TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL WE EDEBIÝAT INSTITUTY

# TÜRKMEN
# D I L I N I Ň
# DÜŞÜNDIRIŞLI
# SÖZLÜGI

## II tom

## K-Z

**Aşgabat – 2015**

UOK 00 UOK 00 00

**Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi.** Iki tomluk. II tom. K-Z – Aşgabat: Ylym, 2015 ý. – 542 sah.

**BAŞ REDAKTOR**:
Gurbanguly Berdimuhamedow,
Türkmenistanyň hormatly Prezidenti,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi

**DÜZÜJILER:**
G. Kyýasowa, A. Geldimyradow, H. Durdyýew

Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginiň iki tomlugy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň howandarlyk etmeginde Garaşsyzlyk ýyllary içinde täze türkmen elipbiýinde ilkinji gezek çap edilýär. Sözlük häzirki zaman türkmen diliniň söz baýlygynyň aglaba bölegini öz içine alýar. Bu sözlük düzülende sözlükçilik işiniň dünýä tejribesine daýanyldy. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi ene dilimiziň esasy gatlagyny, aýratynlyklaryny özünde jemlemek bilen, dilimiziň ösüş kanunalaýyklyklaryny açyp görkezýän özboluşly we düýpli derňewdir.

Sözlükde takmynan 50.000 töweregi baş söz, söz düzümi we frazeologik birlikler ýerleşdirilip, olaryň häzirki zaman türkmen dilinde ýazylyşy, aýdylyşy görkezilip, aňladýan manylaryna düşündiriş berilýär. Sözleriň ulanylyşynyň stilistik aýratynlyklary, bir manylylyk, köp manylylyk, göçme manylylyk häsiýetleri hormatly Prezidentimiziň dürdäne eserlerinden, halk döredijiliginden, aýratyn hem, atalar sözi-nakyllardan, durnukly söz düzümlerinden, türkmen nusgawy edebiýatyndan, häzirki zaman ýazyjy-şahyrlarymyzyň eserlerinden alnan mysallar arkaly delillendirilýär. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi häzirki zaman dil biliminiň, aýratyn-da leksikologiýa we leksikografiýa ylmynyň gazanan düýpli üstünlikleri nazara alnyp düzülen uly göwrümli akademiki neşirdir.

Sözlük türkmen diliniň söz baýlygy bilen gyzyklanýanlara, ylmy jemgyýetçilige, döredijilik işgärlerine, türkologlara, ýokary we ýörite okuw mekdepleriniň mugallymlaryna we talyplaryna, şeýle-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenýär.

TDKP № 000 KBK 000

© "Ylym", 2015 ý.
© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň
Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty, 2015 ý.
Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom , 2015 ý.
Düzüjiler: G. Kyýasowa, A. Geldimyradow,
H. Durdyýew.

# PREZIDENTIŇ PORTRETI

# TÜRKMENISTANYŇ
# DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, Garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# TÜRKMENISTANYŇ  DÖWLET  TUGRASY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# ŞERTLI GYSGALTMALAR

*alkyş s.* - alkyş sözi
*anat.* - anatomiýa degişli adalga
*asman j.* - asman jisimleri
*bagl.* - baglaýjy
*balykç.* - balykçylyga degişli sözler
*b.e.* - biziň eýýamymyz
*çal.* - çalyşma
*d. ý.* - demir ýol adalgasy
*deňizç.* - deňizçilik adalgasy
*derm.* - dermanlyk adalgasy
*dil b.* - dil bilimi adalgasy
*dipl.* - diplomatik adalga
*dokm.* - dokmaçylyk adalgasy
*durm.* - durmuş ýagdaýy bilen bagly söz
*däp-dess.* - däp-dessura degişli söz
*edeb.* - edebiýat adalgasy
*ekeran.* – ekerançylyk
*filos.* - filosofiýa adalgasy
*fiz.* - fizika degişli adalga
*ga* - gektar
*geogr.* - geografiýa adalgasy
*geol.* – geologiýa adalgasy
*gepl.d.* - gepleşik dili
*göd. s.* - gödek söz
*göç. m.* - göçme many
*giriş s.* - giriş sözi
*gurl.* - gurluşyk adalgasy
*haýwanat d.* - haýwanat dünýäsine degişli sözler
*harb.* - harby adalga
*hasap.* - hasap işlerine degişli söz
*him.* - himiýa adalgasy
*hukuk* - hukuk adalgasy
*işl.* - işlik
*kg* - kilogram
*k.d.* - kitap dili
*köm. s.* - kömekçi söz
*kön. s.* - könelişen söz
*küşt.* - küştçülik adalgasy
*l.* - litr
*lukmanç.* - lukmançylyk
*m.* - metr
*maliýe* - maliýe işlerine degişli adalga
*maldarç.* - maldarçylyk
*mat.* - matematika adalgasy
*min.* - mineral
*mukd. s.* - mukdar san
*oba h.* - oba hojalygyna degişli söz
*own. b.* - ownuk bölek
*ösüml.d.* - ösümlik dünýäsine degişli adalga
*s.* - sahypa
*sazç.* - sazçylyk adalgasy
*senetç.* - senetçilige degişli söz
*ser.* - serediň
*sözs. k.*- sözsoňy kömekçi
*sport.* - sport adalgasy
*s. ş. aňl. söz* - ses we şekil aňladýan söz.
*sung.* - sungat adalgasy
*syp.* - sypat
*syýas.* - syýasy adalga
*şahyr.* - şahyrana söz
*t.* - tom
*taryh.* - taryhy söz
*teatr.* - teatr adalgasy
*teh.* - tehnika degişli söz
*tik.* - tikinçilik
*ugrukd.* - ugrukdyryjy söz
*üml.* - ümlük
*we b.* - we başgalar
*we ş. m.* - we şuňa meňzeşler
*ykd.* - ykdysadyýete degişli söz
*zergärç.* s.- zergärçilige degişli sözler

## TÜRKMEN ELIPBIÝI

**A a**

**B b**

**Ç ç**

**D d**

**E e**

**Ä ä**

**F f**

**G g**

**H h**

**I i**

**J j**

**Ž ž**

**K k**

**L l**

**M m**

**N n**

**Ň ň**

**O o**

**Ö ö**

**P p**

**R r**

**S s**

**Ş ş**

**T t**

**U u**

**Ü ü**

**W w**

**Y y**

**Ý ý**

**Z z**

# K

**K**, Türkmen elipbiýiniň on üçünji harpy.

**KA** [ka:], Türkmen elipbiýiniň "K" harpynyň ady.

**KABARDIN** [kabardi:n], *at, ser.* **Kabardinler.**

**KABARDINLER** [kabardi:nler], *at.* Kabardin-Balkar awtonom respublikasynyň esasy ilatynyň bir bölegini düzýän halk.

**KABUL** [kavu:l], Makul, boljak. *Seniň aýdanyň kabul.*

◊ **Kabul bolsun** sadaka, hudaýýoly berlende "Alla kabul etsin" diýen manyda aýdylýan hoşniýetli dileg. **Kabul etmek 1)** okuwa, işe we ş.m. almak, girizmek. *Aman 6 ýaşdan mekdebe kabul edildi.* **2)** gulluk wezipesi boýunça gelmäge rugsat etmek. *Ol sizi kabul edermi, edip bilmezmi, men ony aýdyp biljek däl* (B. Seýtäkow). **3)** köpçülik bolup ýa-da ýeke bolup bir maslahaty, pikiri makul tapmak, makullamak. **4)** bir işiň jogapkärçiligini öz üstüňe almak, bir zady öz ygtyýaryňa geçirmek; bir zady birinden alyp ýerleşdirmek. *Hepdäniň anna güni men nobatçylygy kabul etdim. Täze hasyly kabul etmäge ýerimiz kössüz taýýar* ("Edebiýat we sungat"). **5)** myhman we ş.m. garşylamak, hezzet-hormat etmek. *Biziň şeýle kabul edişimiz ilkibada ony ýygrykdyran bolsa-da, soň derrew ýüzi açyldy* (N. Saryhanow). **6)** bir işi, çäräni gözden geçirmek, onuň ýerine ýetirilişini resmi ýagdaýda synlamak. *Şanly Garaşsyzlygymyza bagyşlanyp geçirilen dabaraly ýörişi kabul etmek.* **7)** derman we ş.m. içmek, atmak, däri-dermanlary peýdalanmak. *Derman kabul etmek.* **8)** düşünmek, özleşdirmek.

**KABULHANA** [kavu:lha:na], *at.* Döwlet edaralaryna işi düşüp gelýän adamlaryň kabul edilýän ýeri.

**KABYLA** [kavy:la], *at.* Tire, taýpa.

**KADA** [ka:da], *at.* **1**. Kanunlaşdyrylyp kabul edilen düzgün. *Dürs ýazuw kadasy.* **2**. Bir zady karar esasynda tertibe salýan düzgün, ýörelge. *Her bir zadyň öz kadasy bolmalydyr.* **3**. Ykrar edilen we endige öwrülen tertip-düzgün. *Ulyny sylamak türkmende kada bolupdyr.* **4**. Belli bir ýagdaý, boluş, hal. *Näme üçindir gojanyň ýagdaýy, özüni alyp barşy, belli bir kadada uzak durup bilmeýşi ony aladalandyryp başlapdy* (B. Seýtäkow). **5**. Kesgitlenen ölçeg.

◊ **Özüňi bir kada alyp barmak,** hemişe bir bolşuňy saklap ýörmek, üýtgäp durmazlyk, özüňi durnukly alyp barmak. *Ol bir görseň-ä allanäme adamdyr, birdenem näme sebäpdendigini bilip bilmersiň, jykyrjygy tutup, özüni bir kada alyp baryp bilmän, dargursak adama öwrüler duruberer.*

**KADA-KANUN** [ka:da-ka:nu:n], *at.* **1**. Döwlet tarapyndan belli bir maksat bilen çykarylýan kada hem kanun. *Kada-kanun hemmelere degişli.* **2**.Ýörelge bolup giden däp-dessur, düzgün, tertip, ýörelge.

**KADALAŞDYRMAK** [ka:dalaşdyrmak], *işl.* Belli bir tertibe salmak, belli bir düzgüne getirmek; düzgünleşdirmek, sazlamak. *Emma ol bokurdagyny arassalan kişi bolup, bir-iki gezek ardyndy-da, sesini kadalaşdyrdy* (B. Seýtäkow).

**KADALAŞDYRYLMAK** [ka:dalaşdyrylmak], *işl.* Belli bir tertibe salynmak, belli düzgüne getirilmek. *Häzir şol zatlaryň hemmesi kadalaşdyryldy* (K. Berdiýew).

**KADALAŞMAK** [ka:dalaşmak], *işl.* Belli bir tertibe girmek, kada laýyk bolmak, kadaly ýagdaýa gelmek. *Ulaglaryň gatnawy kadalaşdy.*

**KADALY** [ka:daly], *syp.* **1**. Tertipli, düzgünli, kada-kanuna dogry gelýän. **2**. Belli bir wagt aralygynda yzygiderli, wagtly-wagtynda gaýtalanyp durýan, gabat gelýän, hereket edýän.

**KADALYLYK** [ka:dalylyk], *at.* **1**. Kada-kanuna laýyklyk, düzgün-tertibe baplyk. *Gowaçalaryň ösüşiniň kadalylygy ony begendirdi.* **2**. Işiň, hereketiň ýagdaýynyň kadalygy, kadasynyň barlygy.

**KADASYZ** [ka:dasyz], *syp.* Düzgünsiz, tertipsiz, kada laýyk däl, kadasy ýok, bikada.

**KADASYZLYK** [ka:dasyzlyk], *at.* Kada laýyk bolmazlyk, kada laýyk dällik, kadasy ýokluk.

**KADMIÝ** [ka:dmiý], *at.* Kümüşsöw-ak, ýumşak metal, himiki element.

**KADR** [ka:dr] **I**, *at.* Düşürilen kinonyň, gepleşigiň, suratyň aýratyn bir bölek sahna şekili.

**KADR** [ka:dr] **II**, *at.* Edaranyň, kärhananyň we guramanyň taýýarlykly esasy iş düzüm birligi.

**KAFEDRA** [ka:fedra], *at.* **1.** Ýokary okuw mekdeplerinde ylmyň belli bir pudagy boýunça mugallymlar toparynyň ýygnanan ýeri, bölümi. *Taryh kafedrasy. Türkmen dili kafedrasy.* **2.** Leksiýa bermek, çykyş etmek ýa-da söz sözlemek üçin münber.

**KAFEL** [ka:fel], *at.* Bişirilen toýun palçygyndan ýüzi syrçalanyp taýýarlanylan ýere ýazmak, diwara ýelmemek we ş.m. üçin dürli görnüşdäki gurluşyk materialy.

**KAGYZ** [ka:ğyz], *at.* **1**. Agaçdan, gowaçadan, ýüpekden hem-de häzirki zaman ýokary tehnologiýalaryň gazananlary esasynda we ş.m. zatlardan hat ýazmak, surat çekmek we beýleki işler üçin taýýarlanylýan dürli ölçegdäki material. *Kepbäniň ortarasynda goşa ýassyk, syýa gap, galam, dört-bäş tagta kagyz ýatyrdy* (G. Kulyýew). **2**. *göç m.* Hat üsti bilen berlen habar, resminama, şeýle-de umuman golýazma. *Ondan soň hem, ine, siziň gol çekmeli bolan şu kagyzyňyzda bu zatlaryň hemmesi ýazylgydy* (B. Seýtäkow).

◊ **Kagyz ýüzünde galmak** durmuşa ornaşdyrylmadyk iş, iş ýüzüne geçirilmän galmak, durmuşa geçmän galmak. **Kagyz pul** kagyzdan çap edilip ýasalýan pul.

**KAGYZ-GALAM** [ka:ğyz-ğalam], *at.* Ýazuw esbaplary. *Şahyr kagyz-galamyny ýygnaşdyrdy-da,*

*golaýynda ýatan küti kitaby alyp, ýerinden turdy* (G. Kulyýew).

**KAH-KAH,** *s.ş.aňl.söz., kön.s.* Sesli, şadyýan gülki. *Elkyssa, Kerem bu sözleri diýenden soň, kenizler kah-kah güldüler* ("Asly–Kerem").

**KAK I**, *at.* Paçagy, çigidi aýrylandan soň dilim-dilim edilip, serlip, guradylyp, gawundan taýýarlanylýan azyk önümi.

**KAK II,** *at.* Takyr ýerlerde suw ýygnanýan oý ýer. *Oýlara, kaklara, guýulara golaýlanda dürli jandar köpelerdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kak suwy** ýagyş-ýagmyryň suwundan kaka ýygnanan, toplanan suw. *Boz marallar kak suwundan içende, Ýaşyl ýaýlalara seýle çykardym* (B. Hudaýnazarow). **Kakyň oky** kaka tarap suw akyp gelýän suw ýodasy. *Kakyň okuny arçadylar.*

**KAKA** [ka:ka], *at.* **1**. Maşgalada çaganyň iň ýakyn hossarynyň biri bolan erkek adam, ata. **2**. Kakaň erkek doganyna sylag, hormat hökmünde onuň adynyň soňuna goşulyp aýdylýan söz. *Baýram kaka.***3**. Oglana dakylýan at. **4**. Ýer (oba, şäher we ş.m.) ady.

**KAKABAŞ** [kakavaş], *syp.***Öz** ugruna giden, özbaşdak, erkin ösen; başyna giden, terbiýesiz ulalan.*Ýöne Tuwak o diýen mylaýym ýigit bolup çykmady, kakabaşrakdy* (H. Garabaýew).

**KAKABAŞLYK** [kakavaşlyk]**,** *at.* Kakabaşyň ýagdaýy, başyna gidenlik. *Birneme akyly goýalyşyp ugranda, onuň kakabaşlygy galar.*

**KAKADYLMAK,** *işl.* Açyk howada günüň düşýän ýerinde ýa-da kölegede bir zady sermek, çygyny almak, çekdirmek, guratmak. *Kakadylan balyk. Kakadylan gawun.*

**KAKAMA,** *iş ady.* Kakamak ýagdaýy.

**KAKAMAK,** *işl.* **1**. Açyk howada, günüň astynda guramak. *Şeker kakan sökleri ýygnamak bilen meşguldy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Süňk bolup galmak, gaty horlanmak, arryk düşmek, syrkawlamak (adam, haýwan hakynda).

**KAKAMAKLYK**, *iş ady.* Kakamak ýagdaýy.

**KAKAMAZLYK**, *iş ady.* Kakap ýetişmezlik, kakamak, guramak derejesine ýetmezlik.

**KAKAO** [kaka:wo], *at.* **1**. Miwesinden şokolad ýasalýan tropik agaç. **2**. Şol agajyň tohumyndan taýýarlanylýan poroşok. **3**. Şol poroşokdan taýýarlanýan ýokumly içgi. *Naharhanada süýt, gaýmak, çaý, kofe, kakao ýaly önümler hemişe bar.*

**KAKAŞMAK,** *işl.* Kem-kemden kakamak. *Serlen kişdelik erikler kakaşypdyr. Et kakaşypdyr.*

**KAKATMAK,** *işl.* **1**. Açyk howada, güneş ýerde ýa-da kölegede bir zady serip guratmak. **2**. *göç.m.* Iňirdäp, igenip halys etmek, horlamak. *Igenip meni halys kakatdyň.*

**KAKAÝYŞ,** *iş ady.* Kakamak ýagdaýy.

**KAKDYRMAK,** *işl.* **1**. Kakmak işini başga birine etdirmek; kakmaga mümkinçilik döretmek. *Çüý kakdyrmak. Gazyk kakdyrmak. Keçe kakdyrmak.* **2**. Bir zady ikinji bir zada galtaşdyrmak, ýuwaşrak urdurmak, degirtmek. *Olary ata kakdyryp geçerdiler* (B. Seýtäkow). **3**. *göç.m.* Kinaýa bilen ýaňzytmak, birine gep kakdyrmak. *Maý tapsa, kemçiligi kakdyryp aýtmagy endik edinipdi* (B. Kerbabaýew).

**KAKLAMA**, *iş ady.* Kaklamak ýagdaýy.

**KAKLAMAK**, *işl.* **1**. Eti pudarlamak, böleklemek, kesişdirip böleklere bölmek. *Şaralyk eti kesişdirip, kaklap otyrdy* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Öldürmek, awlamak. *Duşmany kaklamak.*

**KAKLAMAKLYK,** *iş ady.* Kaklamak ýagdaýy.

**KAKLAMAZLYK,** *iş ady.* Kaklamak işini etmezlik.

**KAKLANMAK,** *işl.* **1**. Et pudarlanmak, ýukajyk dilnip, kesilip goýulmak. *Soýlan goýnuň eti kaklandy we dürli naharlar taýýarlanmaga başlandy* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Ýok edilmek, öldürilmek.

**KAKLAŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Bir ýan ujundan kaklap çykmak, eti pudarlaşdyrmak, böleklere bölüşdirmek, bölek-bölek edişdirmek. *Çoluk galan etleri kaklaşdyryp duzlaşdyrdy.* **2**. *göç.m.* Bir ýanyndan öldürip, soýup başlamak, ýok edip başlamak ( mal barada).

**KAKLAŞMAK,** *işl.* **1**. Kaklamaga kömekleşmek. *Nahar bişirýänlere goýun etini kaklaşmak.* **2**. Bilelikde kaklamak. *Olar et kaklaşyp otyrlar.*

**KAKLATMAK,** *işl.* **1**. Kaklamak işini başga birine etdirmek, eti ýukajyk edip dildirmek, bölekletmek. *Goýnuň etini kaklatmak.* **2**. *göç.m.* Ýok etdirmek, öldürtmek.

**KAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Kaklamak ýagdaýy.

**KAKLYŞDYRMAK**, işl. **l**. Bir zady ikinji bir zada degirmek, ýanaşyk goýmak, biri-birine galtaşdyrmak. *Aýna geçen ýazdaky düýphalysyny töre düşäp, Artyk bilen gol kaklyşdyryp otyrdy* (B. Kerbabaýew). **2.** göç.m. Biri-birine çala degirmek, biri-birini urdurmak, çakyşdyrmak. *Maşynlary çala kaklyşdyrmak.*

**KAKLYŞMAK,** *işl.* **1.** Çala galtap geçmek, gyltyz degmek, kakyp, degip geçmek. *Piliň ýüzi gapynyň ýokarky işigine degip, sapy özüne gyltyz kaklyşan ýigidi entetdi* (B. Kerbabaýew). **2.** Golaýlaşmak, ýakynlaşmak. *Kaklyşsa garbap aljak.*

◊ **Göze kaklyşmak** göze çala ilmek, daşyndan görüp galmak. *Ol köpçüligiň içinde gözüme kaklyşdy.*

**KAKMA,** *iş ady.* **1**. Kakmak ýagdaýy. **2**. *dokm.* Tarada dessik bilen kakylyp dokalýan gyňaçlyk ýa-da gulaçda gylyç bilen kakylyp dokalýan çuwallyk mata önümi. *Kakma çuwal. Kakma torba. Kakma gyňaç.*

**KAKMAÇ,** *at.* Ýukajyk kesilip dilnen et bölegi, şonuň ýaly-da onuň kakadylan, bişirilen görnüşi. *Bular ýanyp duran oduň közlerini bir gapdalyna ýazyp, üstüne kakmaç atýardylar* (A. Gowşudow).

◊ **Kakmaç bolmak** kösenip, gurap galmak, horlanmak.

**KAKMAÇLAMA** [kakmaşlama], *iş ady.* Kakmaçlamak ýagdaýy.

**KAKMAÇLAMAK** [kakmaşlamak], *işl.* Kakmaç etmek, kakmaç edip dilmek, böleklemek. *Çopan galan etleri duzlaşdyryp kakmaçlady.*

**KAKMAÇLAMAKLYK** [kakmaşlamaklyk], *iş ady.* Kakmaçlamak ýagdaýy.

**KAKMAÇLANMAK** [kakmaşlanmak], *işl.* Kakmaç-kakmaç edilmek, böleklenmek. *Çylka etler kakmaçlandy.*

**KAKMAÇLATMAK** [kakmaşlatmak], *işl.* Kakmaçlamak işini başga birine etdirmek, kakmaç-kakmaç etdirip böldürmek, dildirmek. *Etleri kakmaçlatmak.*

**KAKMAÇLYK** [kakmaşlyk], *syp.* Kakmaç üçin niýetlenen ýa-da kesilip alnan (çylka et hakynda). *Kakmaçlyk et aljak bolsaň, goýnuň buduny al.*

**KAKMAK**, *işl.* **1.** Bir zady:çüýi, gazygy, tebläni we ş.m. zatlary depesinden çekiç bilen urup, ýere çüýlemek, kakmak. *Uly gurluşyklaryň ilkinji gazygyny kakmak.* **2.** Gapyny ýa penjiräni tyrkyldadyp, gelýändigini duýdurmak, aňlatmak, tarkyldatmak.*Gapyny kakyp, içerik girdi.* **3.** Bir zady yzygiderli silkip, tozandan, çaňdan arassalamak. *Palas kakmak. Keçe kakmak. Içeriniň düşeklerini kakmak.* **4.** Silkeläp, yralap, hasylyny, miwesini we ş.m. ýere gaçyrmak. *Igde kakmak. Erik kakmak.* **5.** Bir zady tizlik bilen silkip, duýdurman çalt almak. *Şol demde ýerdäki telpegini kakyp aldy-da, başyna geýdi* (B. Seýtäkow). **6.** Urmak, çalmak. *Perman Tarhanyň egnine batly kakdy* (G. Kulyýew). **7.** Bir zady ikinji bir zadyň ýüzüne germek, ýüzünden asmak. *Ol suraty diwara kakdy*. **8.** Bir zat başga bir zady ýa-da birini çala galtamak, başga bir zada ýa-da birine degmek. *Maşyn kakmak.* **9.** Dokmanyň argajyny darak bilen urmak. *Halyçylaryň kakýan daraklarynyň sesi bir topar at aýagynyň sesini ýadyňa salýar.* **10.** Sowuk urmak, sowuk urup süllertmek (ösümlik hakynda). *Türkmen hasaby bilen indi basym mizanyň ýa hazanyň şemaly kakyp, ekinleriň sowuk uraryna garaşylýardy* (N. Esenmyradow). **11.** *gepl.d.* Biriniň zadyny her hili ýol bilen almak, öz adyňa geçirmek, ogurlamak.

**KAKMAKLYK,** *iş ady*. Kakmak ýagdaýy.

**KAKMALAŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Eýlesine-beýlesine seredip, kakyp düzetmek, bejermek. *Sähelçe kakmalaşdyrsaň-a, pyçaga meňzäýse-de ahmal.* **2.** Etiň eýlesinden-beýlesinden kesip, çapyp, çylkasyny almak. *Kakmalaşdyrsaň, kebaplyk et almak boljak.*

**KAKNUS** [kaknu:s], *at.* Göýä müň ýyl ýaşap, özüni oda ýakyp, küle öwrülýän mifiki guş; rowaýata görä şol külden geljekde kaknus guşuny döredýän ýumurtga peýda bolýarmyş.

**KAK-SOK: kak-sok etmek 1**) çalarak urmak, heder etdirmek üçin bir-iki gezek çalmak, kakmak. *Ine, şu oturan inimiz kellesiniň gyzgynyna ýasawulyň üstüne topulyp, ony kak-sok eden boldy* (B. Seýtäkow). **2**) bir zadyň eýlesinden-beýlesinden azda-kände kesip, bölüp almak. *Etiň eýlesinden-beýlesinden kak-sok edip, bir naharlyk kesip aldy.*

**KAK-SÖK,** *at.* Kakyň we söküň umumy ady.

◊ **Kak-sök etmek** paçagy, çigidi aýrylandan soň dilim-dilim edilip, serlip, guradylyp, gawundan taýýarlanylýan azyk önümi we çigidi aýrylan gawun-garpyzyň goýalýança gaýnadylan lötüne gowrulan un hem künji goşulyp, tokgalanyp, taýýarlanylýan azyk önümi. *Söki güne sermek.*

**KAKUW**, *at*, *sazç.* Eliň dutaryň kädisiniň üstünde aşak-ýokaryk edýän hereketi.

◊ **Kakuw çemçeleri** saza depgin (ritm) bermek üçin ýörite niýetlenen agaç çemçe. *Kakuw çemçeleriniň sapy adaty çemçeleriňkiden gysga, kädisi bolsa süýnmegräk bolýar.*

**KAKYLMAK,** *işl.* **1**. Gazyk, teble, çüý we ş.m. zatlar depesinden urlup, bir ýere çüýlenmek, kakylmak. *Çüý kakyldy.* **2.** Miweli agaçlaryň miwesi silkilip, urlup gaçyrylmak. **3.** Haly, keçe, kilim ýaly zatlar silkilip, tozany aýrylmak. *Keçe kakylmak.* **4.** Içerdäkilere biriniň gelendigi bildirilmek, duýdurylmak üçin, köplenç, gapy çalaja urulmak, tyrkyldadylmak. *Gapy kakyldy.*

◊ **Kakylyp çalynýan saz gurallary** el bilen kakylyp çalynýan dep, tebil, deprek ýaly saz gurallarynyň umumy ady.

**KAKYM,** *at, dokm.* Çitimden ýa-da baslyk geçirilenden soň darak bilen urulýan urgy, kakuw.

◊ **Kakymyna gelmek** name-de bolsa bir zat çemine, gabadyna, kakuwyna gelmek. *Kakyma gelende bolsa ony men özüm bir zat ederin* (B. Kerbabaýew).

**KAKYN,** *at.* Tutgaý keseli.

◊ **Kakyny tutmak 1)** tutgaý keseli gozgap, aldym-berdime salmak. **2)** *göç.m.* ýaramaz täsir sebäpli özüne erk edip bilmän, gygyryp ugramak.

**KAKYNJYRAMAK,** *işl.* Üst-başyňy, egin-eşigiňi kakyşdyrmak. *Hanguly gaýyn atasynyň kömegi bilen tärimiň aşagyndan kakynjyrap çykdy* (N. Saryhanow).

**KAKYNLAMAK,** *işl.* Tutgaýly bolmak, kakyn-silkin keseli bilen kesellemek.

**KAKYNLY,***syp.* Kakyn keseli ýolugan, kakyn degen. *Kakynly adam.*

**KAKYNLYLYK,** *at.* Kakyn keselilik, kakyn keseli barlyk. *Muňa beýle kakynlylyk nireden ýolukdyka?*

**KAKYNMAK I,** *işl.* **1.** Bir zatdan gorkmak, öz-özüňden wehim tapmak sebäpli tutgaý keselli ýaly bolmak, tutgaý keseline ýolukmak. **2.** Urnup, çabalanyp ýatmak.

**KAKYNMAK II,** *işl., gepl.d.* Ýelin, göwüs çişip, süýdi çekilmek, gatamak, demrikmek. *Gelniniň göwsi kakynypdyr, oguljygyny doýurmaýar.*

**KAKYNMAK III,** *işl.* **l.** Öz geýim-gejimiňi kakmak, silkişdirmek. **2.** Özüň üçin erikdir alma kakmak. *–Eliňe kiçijik bedräni al-da, öýüň ýeňsesindäki erik agajyndan iýjek erigiňi kakynyp gel.*

**KAKYN-SILKIN,** *at, ser.* **Kakyn.**

**KAKYN-SILKINLI,** *syp., ser.* **Kakynly.**

**KAKYŞ,** *iş ady.* Kakmak ýagdaýy.

**KAKYŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Bir ýanyndan, bir ujundan kakyp çykmak, yzly-yzyna kakmak. *Bu jaýlaryň ýetmez ýerlerini bejerişdirdiler, çüýlerini kakyşdyrdylar* (B. Seýtäkow). **2.** Çaňyny, gumuny we ş.m. zatlary kakyp, silkip aýryşdyrmak. *Ol bir*

*gapdalda ýatan telpegini alyp, kakyşdyryp, başyna atdy, aýak üstüne galdy* (G. Kulyýew). **3**. Kakyp, silkeläp gaçyrmak, düşürmek, kakyp çykmak. **4.** Birnäçe zady gerip, asyp çykmak. *Halyny diwara kakyşdyrmak.*

**KAKYŞMAK,** *işl.* **1**. Kakmaga kömekleşmek. *Gyzy ejesine keçe kakyşdy.Ol ýadan halyçy jorasyna darak kakyşdy.* **2**. Birden köp bolup bilelikde kakmak. *Çagalar erik kakyşyp ýörler. Gyzlar keçe kakyşyp durlar.*

**KALENDAR** [kalenna:r], *at*. **1**. Ýyl içindäki günleriň hasabyny ýöretmegiň usuly, ýyl hasaby (*ser*. **Senenama**). *Milady (grigorian) kalendary.* **2**. Ýyl içindäki ähli günleriň sanawy görkezilen ýylnama, senenama ýa-da kitapça (her hili maglumatlar bilen birlikde). *Ýyrtma kalendar. Stolüsti kalendar.*

**KALIÝ** [ka:liý], *at*. Kümüşsöw-ak reňkli tiz ereýän metal, himiki element.

**KALORIÝA** [kalo:ryýa], *at.* **1.** Ýylylyk mukdarynyň ölçeg birligi (adatça, *kilokaloriýa* ulanylýar). **2.** Iýmitiň ýokumlylygyny kesgitleýän, şertlendirýän ölçeg birligi.

**KALP,** *at, şahyr.* Ýürek; göwün.

**KAMAR,** *at, k.d.* **1**. Aý. *Sähra degresinde duran gül kamar, Ýaşyl geýen al boýuňa döneýin!* (Kemine). *Şöhle salyp, älem üzre dolupsen, Kuýaşmy sen, kamarmy sen, näme sen!* (Mollanepes). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Kamar ýüzli** ýüzi aý ýaly, owadan, görmegeý (gelin-gyz hakynda). *Bolsun hassa janym ýoluňda gurban, Kamar ýüzli lälezarym, gaýt indi* (Halk aýdymyndan).

**KAMARY I: kamary ýyl hasaby** Aýyň dogýan we ýaşýan wagty boýunça ýöredilýän ýyl hasaby (*ser*. **Hijri: hijri-kamary**).

**KAMARY II,***syp.* Goňur öwüşginli garaköli bagana. *Kamary bagana.*

**KAMAT** [ka:mat], *at.* Syratly uzyn boý. *Yşk elinden çekdim pygany-nala, Elip dek kamatym ogşady dala* (Halk aýdymyndan).

**KAMATLY** [ka:matly], *syp.* Syratly, uzyn boýly.

**KAMBOJALY** [kambo:jaly], *syp. ser.* **Kambojalylar.**

**KAMBOJALYLAR** [kambo:jalylar], *at.* Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşýän Kamboja döwletiniň ilatynyň, ýerli halkynyň ady.

**KAMYS,***at.* Ýukajyk ak nah mata. *Kamys tuty. Ak kamysdan tikilen köýnek.*

**KANADALY** [kana:daly], *syp. ser.* **Kanadalylar.**

**KANADALYLAR** [kana:dalylar], *at.* Demirgazyk Amerikada ýerleşýän Kanadanyň ýaşaýjylary.

**KANAGAT** [kanağat], *at*. **1**. Özüňde bar zat bilen oňňut etmek, berlenine kaýyl bolmak, razy bolmak hem-de gowy zatlara garaşyp bilmek, sabyr etmek duýgusy. **2**. *Kanagat* sözünden soň *etmek* (*etmezlik*) işligi gelip, täze many öwüşginli düzümli işlik ýasalyar: **Kanagat etmezlik** kanagatly bolmazlyk. *Öz ryzkyna hiç kanagat etmedik, Gözün diker, kişi aşyna zar bolar* (Magtymguly).

**KANAGATLANARLY** [kanağatlanarly], *syp.* **1**. Ýeterlik derejede gowy, edilýän talaby kanagatlandyrýan. *Pagta kabul etmekde kanagatlanarly işlenildi.* **2**. Ýokary okuw mekdeplerinde goýulýan üçlük baha. *Ol kanagatlanarly baha aldy.*

**KANAGATLANDYRMAK** [kanağatlan-nyrmak], *işl.* Kimdir biriniň talaplaryny, isleglerini ýerine ýetirmek, berjaý etmek.*Haýyşy kanagatlandyrmak.*

**KANAGATLANDYRYLMAK** [kanağatlan-nyrylmak], *işl.* Kimdir biriniň talaplary, islegleri ýerine ýetirilmek, berjaý edilmek. *Oba ilatynyň islegleri doly kanagatlandyryldy.*

**KANAGATLANMA** [kanağatlanma], *iş ady.* Kanagatlanmak ýagdaýy.

**KANAGATLANMAK** [kanağatlanmak], *işl.* Bir zatdan göwnüň bitmek, razy bolmak, göwnüňe jaý bolmak.

**KANAGATLANMAKLYK** [kanağatlan-maklyk], *iş ady.* Kanagatlanmak ýagdaýy.

**KANAGATLANMAZLYK** [kanağatlanmazlyk], *iş ady.* Kanagatlanyp bilmezlik, göwnüňe jaý bolmazlyk.

**KANAGATLANYŞ** [kanağatlanyş], *iş ady.* Kanagatlanmak ýagdaýy.

**KANAGATLY** [kanağatly], *syp.* Kanagaty bar, sabyrly, kanagatsyz däl. *Kanagatly adam.*

**KANAGATLYLYK** [kanağatlylyk], *at.* Kanagatly bolmaklyk, kanagaty barlyk, sabyrlylyk, kanagatsyz dällik. *Bu görnüş oglanlaryň her biriniň ýüreginde uly begenç, kanagatlylyk döretdi* (A. Gurbanow).

**KANAGATSYZ** [kanağassyz], *syp.* Kanagaty ýok, kanagatly däl, sabyrsyz. *Kanagatsyz oglan.*

**KANAGATSYZLYK** [kanağassyzlyk], *at.* Kanagaty ýokluk, kanagatly dällik, kanagatsyz bolmaklyk, sabyrsyzlyk. *Ol kanagatsyzlygyndan az kösenmeýärdi.*

**KANAL** [kana:l], *at.* **1.**Süýji we zeý suwlaryny akdyrmak üçin gazylýan uly emeli desga. **2.**Telewideniýede özbaşdak enjamlaryň, tehniki hem-de döredijilik işgärleriň kömegi bilen işledilýän aragatnaşyk ýaýlymy (*ser.* **Ýaýlym**). *Türkmen telewideniýesiniň dördünji kanaly.*

**KANDA**, *çal., k. d.*"Nirede?", "haýsy ýerde?" diýen manyda ulanylýan sorag çalyşmasy.

**KANDIDAT** [kandi:da:t], *at.* Ylmy dissertasiýa goralanda dakylýan alymlyk derejesi. *Filologiýa ylymlarynyň kandidaty. Taryh ylymlarynyň kandidaty.*

**KANDIDATLYK** [kandi:da:tlyk], **1.** *at.* Kandidatyň ylmy derejesi we ýagdaýy. **2.** *syp.* Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini almak üçin ýazylan. *Kandidatlyk dissertasiýa.*

◊ **Kandidatlyk minimumy** alymlyk derejesine dalaşgär adamyň dissertasiýany goramazyndan öň bilimleriň kesgitlenen möçberinde tabşyrmaly synaglary. *Kandidatlyk minimumlaryny tabşyrmak.*

**KANDIDATURA** [kandidatu:ra], *at.* Kandidat hökmünde ady görkezilen, teklip edilen adam, dalaşgär.

**KANSLER** [ka:nsler], *at.* Germaniýada hökümetiň başlygy.

**KANUN** [ka:nu:n] **I**, *at.* **1.** Döwlet häkimiýetiniň ýokary guramasy tarapyndan kesgitlenen hukuk güýji bolan karar. **2.** Kabul edilen, ýörelgä öwrülen düzgün, adat, däp. *Kabul edilen kanunyýerine ýetirmek her bir raýatyň borjudyr.* **3.** Her bir işiň düýp, asyl manysy bilen bagly bolan esasy kada, düzgün. *Çagalara gowy terbiýe bermek her bir terbiýeçi üçin kanundyr.* **4.** Barlygyň hadysalarynyň arasyndaky hökmany,tebigy baglanyşyk we olaryň biri-birine baglylygy. *Aýsyz dury asmanyň ýyldyzlary öz kanunlary boýunça asudalyk bilen balkyldaşýardy* (B. Kerbabaýew).

**KANUN** [kanu:n] **II,** *at, kön.s.* Al-Faraby tarapyndan IX asyrda oýlanyp tapylan kirişli saz guraly. *Ýanynda mutrup çalyp, tambur, kanun birle naý* (Andalyp).

**KANUNALAÝYK** [ka:nu:nola:ýyk], *syp.* Kanuna bap gelýän, kanuna dogry bolan. *Kanunalaýyk hereket.*

**KANUNALAÝYKLYK** [ka:nu:nola:ýyklyk], *at.* Kanuna bap gelmeklik, kanuna dogry, laýyk gelmeklik. *Kanunalaýyk hereket.*

**KANUNÇY** [ka:nu:nçy], *at.* **1.** Kanuny dogry ýöredýän, kanundan çykmaýan, kanunlary gowy bilýän adam. **2.** *göç.m.* Hakykatçy, kanuna ýüzlenegen, bir zady subut etjek bolanda kanuna ýapyşýan, kanuny tutaryk edinýän adam. *Ol gaty kanunçydyr, bikanun hereket edeniniň üstünden barmarsyň.*

**KANUNÇYLYK** [ka:nu:nçuluk], *at.* **1**. Kanun çykaryjylyk. **2**. Döwlet tarapyndan kabul edilen, çykarylan kanunlar. *Düzgün-nyzamlylygy, tertip-düzgüni we kanunçylygy örän dogry berjaý etmelidir* ("Türkmenistan").

**KANUNLAŞDYRMAK** [ka:nu:nloşdurmok], *işl.* Belli bir kanuna salmak, kanun güýjüni bermek, kada-kanuna laýyk etmek. *Toýjan öz bahanasyny kanunlaşdyrmaga näçe çalyşsa-da, ussa oňa ynanmady* (B. Kerbabaýew).

**KANUNLAŞMAK** [ka:nu:nloşmok], *işl.* **1**. Kanun esasynda çözülişmek, kanun esasynda açylyşmak. *Özüňiz hem kanunlaşyp aýrylyşdyňyz* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ýöredilýän belli bir kada-kanuna eýerip başlamak, kanun esasynda düzgünleşmek.

**KANUNLYLYK** [ka:nu:nluluk], *at.* Kanuna eýermeklik, kanuna esaslanmaklyk .

**KANUNSYZ** [ka:nu:nsuz], *syp.* Kanuny ýok; kanuna eýermeýän, kanuna ters gelýän, kanuna sygmaýan, bikanun, kada-kanuna laýyk däl. *Men onuň kanunsyz hereketlerine sowukganlylyk bilen seredip bilmeýärin* (B. Pürliýew).

**KANUNSYZLYK** [ka:nu:nsuzluk], *at.* **1**. Kanunyň ýoklugy. **2**. Kada-kanuna terslik, kanuna laýyk dällik, kanuny bozmaklyk, bikanunçylyk.

**KANUNY** [ka:nu:ny], *syp.* Kanuna dogry gelýän, kanuna esaslanýan, kanuna daýanýan; hakyky, tüýs. *Bu ýagdaýyň tebigydygyna, kanunydygyna hiç bir söz bolup bilmez* ("Edebiýat we sungat").

**KANUNYLYK** [ka:nu:nuluk], *at.* Kanuna baplyk, kanuna laýyk gelijilik. *Ýerine ýetirilen işleriň kanunylygy görnüp dur.*

**KANY**, *çal., k.d.* "Hany?", "nirede?" diýen manyda ulanylan sorag çalyşmasy.

**KAŇKAMA**, *iş ady.* Kaňkamak ýagdaýy, hereketi.

**KAŇKAMAK**, *işl.* Biderek, işsiz-pişesiz entäp ýörmek, ykmak, belli bir maksatsyz ykmandalyk etmek.

**KAŇKAMAKLYK,** *iş ady.* Kaňkamak ýagdaýy.

**KAŇKAMAZLYK,** *iş ady.* Kaňkap ýörmezlik.

**KAŇKAŞMAK,***işl.* Birnäçe bolup bile kaňkamak.

**KAŇKATMAK,***işl.*Birini biderek, işsiz-pişesiz aýlap, ykdyryp ýörmek.

**KAŇKAÝYŞ**, *iş ady.* Kaňkamak ýagdaýy.

**KAPAS**, *syp.* **1**. Dem almasy kyn, dymyk, petiş, howasy ýok.*Tamyň kömür gatyşykly kapas howasy gapydan gireniňden burnuňa küküp urýardy* (G. Kulyýew). **2**. *at, göç.m.* Bendilik; türme, zyndan. *Kapas içre galyp, eýlerem nala, Andalybam, gülgüzarym ýok meniň* (Kätibi).

**KAPASA,** *at.* **1**. Daşy gözenekli gap şekilinde ýasalan guş saklanýan ýer. *Olar kapasadan ýaňyja sypan ýaly agaçdan-agaja, şahadan-şaha ganat kakyp, gürrüldeşip, wagtyhoşluk bilen bökjekleşýärler* (G. Kulyýew). **2**. Adam göwresiniň gapyrgalardan we onurgadan durýan süňk esasy. *Döş kapasasy.*

**KAPASLYK,** *at.* Petişlik, dymyklyk. *Howanyň kapaslygy, onuň dem almasyny kynlaşdyrýardy.*

**KAPITAN** [kapita:n], *at.* **1**. Uly leýtenantdan soň berilýän serkerdelik derejesi. **2**. Gäminiň serkerdesi, başlygy. *Gäminiň kapitany.* **3**. Sportda bir toparyň ýolbaşçysy, baştutany. *Futbolçylar toparynyň kapitany.*

**KAPITANLYK** [kapita:nlyk], *at.* Kapitan derejesi, kapitan bolmaklyk, kapitan bolup işlemeklik. *Özüniň kapitanlyk derejesine çykarylanyny hem şonda eşitdi* (A. Gowşudow).

**KAPRON** [kapyro:n], *at.* Emeli süýümiň bir görnüşi, şeýle-de şol süýümden dokalan mata, işilip taýýarlanan sapaklar we öndürilen başga önümler. *Kapron jorap. Kapron köýnek. Kapron sapak.*

**KAPYR** [ka:pyr], *syp.* **1**. Yslam dinine uýýanlaryň dinsizlere we başga dine uýýanlara berýän ady; dini başga. *Kapyra – musulmança* (Atalar sözi). **2**. Gazaply, ýowuz, rehim-şepagatsyz, ýagşylyk etmegi unudan. *Sen-ä bir kapyr ekeniň, rehim-şepagatyň ýok.*

**KAPYRLYK** [ka:pyrlyk], *at.* Gazaplylyk, ýowuzlyk, rehim-şepagatsyzlyk. *Beýle-de bir kapyrlyk bolarmy?*

**KAPYÝA** [ka:pyýa], *at, edeb.* Şygyr setirleriniň soňundaky sözleriň sazlaşygy. *Magtymguly kapyýa meselesine-de aýratyn üns beripdir* ("Edebiýat we sungat"). *Rubagy ýazylmaz kapyýa üçin. Gazetde bir gezek çapyýa üçin. Eger-de çyn bolsa rubagylygy – Ýürekde çap bolar bakyýa üçin* (K. Gurbannepesow).

**KAPYÝALAŞDYRMAK** [ka:pyýalaşdyrmak], *işl.* Goşgy setirlerini kapyýa getirmek, salmak, sazlaşdyrmak. *Ol dörtlemäniň başdan üç setirini kapyýalaşdyrdy.*

**KAPYÝALAŞMAK** [ka:pyýalaşmak], *işl.* Goşgy setirleriniň ahyryndaky aýry-aýry sözleriň aýdylyşy taýdan biri-biri bilen sazlaşmagy.

**KAPYÝALY** [ka:pyýaly], *syp.* Kapyýasy ýerbe-ýer, kapyýalaşyp gelýän, kapyýa salnan. *Kapyýaly goşgy setirleri.*

**KAPYÝASYZ** [ka:pyýasyz], *syp.* Kapyýasy ýok, setiriň ahyrky sözleri sazlaşyksyz. *Bu goşgy kapyýasyz ýazylypdyr.*

**KARAM** [kara:m], *at.* Oýunda we ş.m. düzgünden çykylyp edilýän aldaw, hile, mekirlik. *Ol küştde karam göçüm etdi.*

**KARAMÇYL** [kara:mçyl], *syp.* Karam edýän, hile salýan, mekirlik edip aldaýan. *Seniň bilen oýnasym gelenok, sen gaty karamçyl.*

**KARAMÇYLYK** [kara:mçylyk], *at. ser.* **Karamlyk**.

**KARAMLYGYNA** [kara:mlyğna]**: karamlygyna (haramlygyna) guzlamak** wagtyndan öň buga gelip guzlamak (ýaş sygryň ilkinji garny hakynda).

**KARAMLYK** [kara:mlyk], *at.* Oýunda we ş.m. edilýän aldawçylyk, hilegärlik, mekirlik. *Çapyksuwaryň görnetin karamlygynyň üstüne-de jarçylaryň şol ýokanç gykylyklary bezzatlaryň degnasyna degdi* (B. Kerbabaýew).

**KARAR** [kara:r] **I**, *at.* **1**. Döwlet edaralary tarapyndan ýörite berjaý edilmek üçin çykarylýan görkezme, buýruk. **2**. Ýygnaklarda we ş.m. ýerlerde köpçülik tarapyndan gollanylanda, oňlanylanda çykarylýan ündeýji häsiýetli gelnen netije.

◊ **Karara gelmek** bir zat barada gutarnykly belli bir netijä gelmek.

**KARAR** [kara:r] **II,** *at.* Sabyr, takat, aram, kanagat, ynjalyk. *Goldan aldyň kararymy, Gelip sen nägehan, pyrak* (Magtymguly). *Ýene öýden çykýar tapman karary, Gidýär Aýnalara ünsüniň bary* (M. Seýidow).

◊ **Karar tapmazlyk** ynjalmazlyk. *Märeke karar tapman, iki ýana elenýärdi* (A. Gowşudow).

**KARARGÄH** [kara:rğä:h], *at, harb.* **1**. Harby güýçleriň ähli görnüşlerine degişli bölümlerde, birikmelerde we ş.m. goşuny dolandyrýan edara. *Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Baş karargähi.* **2**. Bir zada ýolbaşçylyk edýän edara.

**KARARLY** [kara:rly], *syp.* Sabyrly, çydamly, takatly.

**KARARNAMA** [kara:rna:ma], *at, ser.* **Ykrarnama**.

**KARARSYZ** [kara:rsyz], *syp.* Sabyr-takatsyz, kanagatsyz, ynjalyksyz. *Ýa kararsyz meň ýoluma garaýarmyň?* (B. Kerbabaýew).

**KARARSYZLYK** [kara:rsyzlyk], *at.* Sabyr-takatsyzlyk, kanagatsyzlyk, ynjalyksyzlyk.

**KARDIOGRAF** [kardiýo:ğyraf], *at.* Ýüregiň urşuny, işleýşini çyzgylar arkaly ýazýan enjam.

**KARDIOGRAFIÝA** [kardiýoğyra:fiýa], *at, sagl. g.* Kardiograf arkaly ýüregiň urşuny, işleýşini, ýagdaýyny görkezýän ýazgy.

**KARDIOGRAMMA** [kardiýoğyra:mma], *at.* Ýüregiň urşuny, işleýşini, ýagdaýyny görkezýän çyzykly ýazgy. Ýürek urgusynyň çyzgylar arkaly ýazgysy.

**KARDIOLOG** [kardio:log], *at.* Ýürek kesellerini bejerýän lukman, hünärmen. *Ol kardiolog bolup işleýär.*

**KARDIOLOGIÝA** [kardiýolo:ğiýa], *at.* Lukmançylykda ýüregiň we damarlaryň gurluşyny, işleýşini, kesellerini öwrenýän hem-de olary bejermegiň usullaryny işläp düzýän ýörite bölüm. *Ol kardiologiýanyň meseleleri bilen gyzyklanýar.*

**KARDON** [kardo:n], *at.* Galyň we gaty kagyz.

**KARKARA,** *at.* **1**. Durna meňzeş, alkymynyň aşagy gara guş. **2**. Şol guşuň horazynyň gyz tahýasyna dakylýan owadan ýelegi. *Saz eýleýir karkaraň, seýle çyksaň bezenip, Men tapmadym bahana, birje barmana, dilber (*Mollanepes*). Tawus gerdenlidir, toty dillidir, Başy karkaraly, zülpi tellidir* (Talyby). **3**. Gyza dakylýan at.

**KART,** *at.* Ýüzi san bellikli we suratly kiçiräk gaty kagyzlar (köplenç, şol kagyzlaryň kömegi bilen oýun oýnalýar ýa-da pal atylýar).

**KARTA,** *at.* **1**. Ýeriň üstki şekiliniň çyzgysy. *Geografiýa kartasy.* **2**. Ekin ekmäge niýetlenen ýa-da ekin ekilen giň meýdan. *Bugdaý ekilen karta.*

**KARTALAMA,** *işl.* Kartalamak ýagdaýy.

**KARTALAMAK,** *işl.* **1**. Ýeriň üstki şekilini çyzgylar, belgiler arkaly karta geçirmek, ýeri kartada şekillendirmek. **2**. Ýeri tekizläp, kartalara bölmek.

**KARTALAŞDYRMAK,** *işl.* **1**. Ýeriň şekilini çyzgy arkaly karta geçirişdirmek. *Daglyk ýerleri kartalaşdyrmak.* **2**. Ýeri karta-karta edip tekizleşdirmek, kartalara bölüşdirmek. *Ekiljek ýeri kartalaşdyrmak.*

**KARTALATMAK,** *işl.* Kartalamak işini başga birine (edara, hünärmene) etdirmek. *Pagta ekiljek ýerleri kartalatmak.*

**KARTALAÝYŞ,** *iş ady.* Kartalamak ýagdaýy.

**KARTOGRAFIÝA** [kartogra:fyýa], *at.* Geografiýa kartalaryny düzmek baradaky ylym, şonuň ýaly-da kartalary düzmek işi.

**KARTOŞKA** [karto:şka], *at.* Köki miweli birýyllyk gök ekin we onuň nahara atylýan, bişirilip iýilýän hasyly, ýeralma.

**KARY** [ka:ry] **I**, *at.* Gurhany ýatdan okaýan adam.

**KARY** [ka:ry] **II**, *at.* Gözi batyl, kör, görmeýän. *Agsak aýra düşse, agaçsyz galsa, Ýol aňlamaz kary hemrasyz bolsa* (Magtymguly).

**KARZ** [karyz], *at.* Soň gaýtaryp bermek şerti bilen alynýan ýa-da berilýän pul, zat. *Döwlet karzy.*

**KARZDAR** [karyzza:r], *at.* Birinden pul ýa-da zat alan bergidar, bergili, bergisi bolan.

**KARZDARLYK** [karyzza:rlyk], *at.* Bergidarlyk, bergililik.

**KARZ-KOWAL** [karyz-kowol], *at, ser.* **Karz**. *Bary-ýogy bir ýyl mundan ozal karz-kowal alyp, Abdyllany öýeripdi* (G. Kulyýew).

**KASAM**, *at.* Ýokary döwlet derejesinde geçirilýän çärelerde Watana, ýurduň Ýaragly Güýçlerine, lukmançylyk käriňe janyň-teniň bilen wepalydygyň hakynda dabaraly söz bermeklik. *Bitarap Türkmenistanyň mukaddes Watançylyk Kasamy.*

◊ **Kasam etmek** beren wadaň we ş.m. üçin äht etmek.

**KASAS,** *at.* Ar, öç; hun.

◊ **Kasas kyýamata galmaz** "ar, öç kyýamata, o dünýä galýan däldir" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**KAST** [kas(s)], *at.* Betpällik bilen edilýän hereket, öňünden oýlanylan bet niýet, hyýanat.*Şol ajap güllerden ýigrenji ýylan, Ynsanyň kastyna zäher döredýär* (M. Seýidow).

◊ **Kast etmek** betpällik bilen ýüregine düwen ýaman niýetini amala aşyrmak üçin hereket etmek, birine ýamanlyk etmek. **Kasty bar ýaly** öçli ýaly, ary köýen ýaly.

**KASYDA** [kasy:da], *at, edeb.* Biriniň şanyna düzülýän her bendi iki setirli, gazal görnüşinde kapyýalaşýan öwgüli goşgy, tarypnama. *Baýram han Türkmen birnäçe kasyda ýazypdyr.*

**KASYT** [ka:syt], *at, k.d.* Habarçy, hat gatnadyjy, çapar. *Kasyt gerek bu ýollarda ýörmäge* ("Saýatly – Hemra").

**KAŞ**, *at.* **1**. Ters, jet. *Hoş mylaýym boluň, kem suhan olmaň, Menden zynhar, iliň bilen kaş bolmaň!* (Magtymguly). **2**. Duşman, ýagy.

**KAŞAŇ**, *syp.* Uludan owadan, gelşikli, bezegli.

**KAŞAŇLAMA**, *iş ady.* Kaşaňlamak ýagdaýy.

**KAŞAŇLAMAK**, *işl., gepl.* Owadanlamak, bezeg bermek, bezemek.

**KAŞAŇLAMAKLYK**, *iş ady.* Kaşaňlamak ýagdaýy.

**KAŞAŇLANMAK**, *işl.* Kaşaň görnüşe gelmek. *Jaýlaryň daş görnüşini bezäberseň, gitdigiçe kaşaňlanýar.*

**KAŞAŇLAÝYŞ**, *iş ady.* Kaşaňlamak ýagdaýy.

**KAŞAŇLYK**, *at.* Ululyk, giňlik, owadanlyk, görmegeýlik, bezeglilik. *Obanyň kaşaňlygy göreni haýran galdyrýardy.*

**KAŞAR**, *at.* Öri meýdanlarynda mallary saklamak we çopan goş-golamlary üçin salnan jaý. *Ot-iýmler mallaryň gyşladyljak kaşarlaryna daşaldy.*

**KAŞGALDAK** [kaşğallak], *at.haýwanat d.* Barak, sakarbarak.

**KAŞLYK,** *at.* **1**. Terslik, jetlik. *Alyp "almadym" diýip edýär kaşlygy* (Ç. Gurbangylyjow). **2**. Duşmanlyk, ýagylyk.

**KAŞŞAK,** *at, kön. s.* Garyp, ýoksul, mätäç. *Näme bizleri aç kaşşagyň ogly hasaplaýarmyň?* ("Görogly"). *Bul kör turur, men hem kaşşak tururmen...* (Andalyp).

**KAŞYK**, *at, gepl. d.* Çemçe. *Bir bedre süýdi bir kaşyk nebit bilen zaýalap bolýar, gyzym* (G. Muhtarow).

**KAT(D) I**, *at.* Boý, syrat, kamat. *Magtymguly, ýok bu sözüň hatasy, Pelek elip katdym duta eýledi* (Magtymguly). *Katdy ýylan dek towlanyp, Ýar onda aglar, men, munda* (Andalyp).

**KAT(D) II**, *at.* Bir zadyň kadaly çägi, derejesi, serhedi, çäk. *Ýüregi ýarylar katdyna ýetipdi* (A. Nazarow).

**KATDY-KAMAT** [katdy-ka:mat], *at.* Boý-syrat, daş sypat, syrat. *Jygaly beg agtygynyň katdy-kamatyna guwanyp, şat bolup, joşup bäş keleme söz aýdýar* ("Görogly").

**KATRA** [katyra], *at.* Damja. *Bir katra ýaşyň hem dammasyn.*

**KATRA-KATRA** [katyra-katyra], *at.* Köp sanly damja, damja-damja.

**KATRANLAMAK** [katyranlamak], *işl., gepl.d.* It-pişik degen gaplar, namazlyk we ş.m. zatlar suw bilen ýedi gezek ýuwulmak, suw ýok ýerinde gum bilen arassalanmak. *Ol pişik degen jamy katranlady.*

**KAWKAZLY** [kavka:zly], *syp. ser.* **Kawkazlylar.**

**KAWKAZLYLAR** [kavka:zlylar], at. Kawkazyň ýerli ýaşaýjylary.

**KAÝAN** [kaýa:n], *çal., k.d.* "Nirä? haýsy tarapa? haýsy ýana?" diýen manylarda ulanylýan sorag çalyşmasy. *Sen kaýan barar sen, Dön, gyz, gaýt indi* ("Saýatly – Hemra").

**KAÝSY**, *k. d.* "Haýsy?" diýen manyda ulanylýan sorag çalyşmasy. *Dost kaýsy, duşman kaýsy, Parhyn edip bilmez men* (Magtymguly).

**KAÝYL** [ka:ýyl], *syp.* Her bir zada razy. *Ol sögülse-de, urulsa-da kaýyl bolup otyrdy* (N. Saryhanow).

**KAÝYLLYK** [ka:ýyllyk], *at.* Her bir zada razylyk, kaýyl bolmaklyk. *Ol oňa kaýyllyk bilen gulak salýardy* (A. Gurbanow).

**KAZA** [kaza:], *at.* **1**. Alla tarapyn ynsana berlen ömrüň hökümi, buýrugy. **2**. Täleý, ýazgyt, takdyr. *Azyp gelen kazany taňry sowsun* (Nakyl).

◊ **Kazasy dolmak** sanaglysy dolmak, berlen ömür müddeti gutarmak, ömür peýmanaň ahyrlamak, dünýäden gaýtmak. *Sizler bilen zowky-sapa sürensoň, Arman galmaz, dolsa kaza, Seýidi!* (Zelili). **Kazaňy almak** öň okaman goýberen namazyňy belli bir wagtda berjaý etmek, öwezini dolmak.

**KAZY** [ka:zy], *at.***1**. Kazyýete gelýän işleri onuň mejlislerinde garamak arkaly çözýän wezipeli adam. **2**. *taryh.* Şerigata esaslanyp, dawa çözýän adam.

**KAZYÇYLYK** [ka:zyçylyk], *at, ser.* **Kazylyk**.

**KAZYLAŞMA** [ka:zylaşma], *iş ady.* Kazylaşmak ýagdaýy.

**KAZYLAŞMAK** [ka:zylaşmak], *işl.* Kazyýete ýüz tutup, biri bilen bolan dawany kanuny esasda çözdürmek.

**KAZYLYK** [ka:zylyk], *at.* **1**. Kazynyň ýerine ýetirýän wezipesi. *Men näçe okasam hem kazylyga ýetişmejegimi bilýän* (A. Gowşudow). **2**. Kaza degişli bolan. *Kazylyk işim ýok.*

**KAZYÝET** [ka:zyýet], *at.* **1**. Raýatlaryň dawalaryny çözmek, jenaýat işlerine seretmek işini alyp barýan döwlet guramasy. *Etrap kazyýeti. Şäher kazyýeti* . **2**. Şol guramanyň ýerleşýän jaýynyň ady.

◊ **Ýaraşdyryjy kazyýet** dawalaşýan, jedelleşýän taraplaryň arasynda ylalaşykly gatnaşyklary ýola goýmaga degişli.

**KEBAP** [keva:p], *at.* Közüň üstünde daglanyp bişirilýän et.

◊ **Kebap bolmak** bir zadyň ugrunda ýanyp-bişmek, kösenmek, heläk bolmak. *Meniň ýarym suw içinde sonadyr, Gören aşyk kebap bolup ýanadyr* (″Saýatly – Hemra″). **Kebap etmek** birini kösemek, horlamak, ýandyryp-bişirmek. *Jismim kebap etmiş aýralyk ody, Ýürekler gan bolup, gözde ýaş galdy* (Magtymguly).

**KEBAPÇIŞ** [keva:pçi:ş], *at.* Kebap bişirmek üçin et düzülýän uzyn syh, çiş.

**KEBAPÇY** [keva:pçy], *at.* Kebap bişirip satýan adam. *Ol kebapçy bolup işleýär.*

**KEBAPHANA** [keva:pha:na], *at.* Kebap bişirilýän, iýilýän ýer, kebap bişirilip satylýan jaý. *Ol kebaphana işe ýerleşdi.*

**KEBAPLYK** [keva:plyk], *syp.* Kebap üçin öňünden garylyp niýetlenen, kebap etmek üçin taýýarlanan (et). *Kebaplyk et.*

**KEBELEK** [kevelek] **I**, *at.* **1**. Iki jübüt ganatly dürli reňkdäki mör-möjekler toparyna degişli uçýan jandar. **2**. *zergärç.s.* Ýaşuly aýallaryň kümüşden ýasalyp, ýüzüne pöwrize, aýna gaşlary oturdylan we alyn daňylaryna tikip dakynýan kebelek şekilli maňlaý şaýy. **3**. Halylaryň älemine kebelege meňzedilip salynýan owadan nagyş ady.

◊ **Kebelek bolmak** biriniň daşynda çyn ýürekden pyrlanmak, aýlanmak, hozanak bolmak *Iýjegiňi, geýjegiňi taýýar edip, enem ikimiz daşyňda kebelek bolmaly hem bolsa boljak* (A. Durdyýew).

**KEBELEKLEME** [kevelekleme], *iş ady.* Kebeleklemek ýagdaýy.

**KEBELEKLEMEK** [keveleklemek], *işl.* **1**. *gepl.d.* Gaýmalamak, gaýyp düşmek, pelpellemek (gar we ş.m. hakynda). *Gar kebelekläp ýagýardy.* **2**. *göç.m.* Biriniň daşynda pyrlanmak, hozanak bolmak. *Kebelekläp oglanlaryň daşynda, Gaýgy-gam ýok bu gün onuň başynda* (A. Kekilow). **3**. *göç.m.* Gözüň öňi dumanlamak, ümezlemek, gözüň öňünde salgym emele gelmek. *Gözümiň öňi ümezleýär, kebelekleýär.*

**KEBELEKLEMEKLIK** [keveleklemeklik], *iş ady.* Kebeleklemek ýagdaýy.

**KEBELEKLEÝIŞ** [keveleklejiş], *iş ady.* Kebeleklemek ýagdaýy.

**KEBŞIR** [kevşi:r], *at.* **1**. Mis, kümüş, bürünç ýaly metallaryň belli bir mukdardaky garyndylaryndan alynýan ergin. **2**. Kebşir arkaly tutdurylan, seplenen ýer. **3**. *göç.m.* Sepleşik, arabaglanyşyk. *Hany, Seýit jan, çäýneklere seret, çaý gürrüňiň kebşiridir* (B. Seýtäkow).

**KEBŞIRLEME** [kevşi:rleme], *iş ady.* Kebşirlemek ýagdaýy.

**KEBŞIRLEMEK** [kevşi:rlemek], *işl.* **1**. Şaý-sepiň böleklerini, metallary biri-birine kebşir arkaly seplemek, tutdurmak. *Zergär gülýakanyň göbegini kebşirledi. –Wyşkanyň kebşirlemeli ýeri bar diýipdiňiz, goý, Küle şony bitirsin* (N. Baýramow). **2**. *göç. m.* Jaýba-jaý goýmak;ýerbe-ýer aýtmak; ýerine düşürmek, ýerini bilip sözlemek, timarlamak, syntgylamak. *Şeýle köp märekeli ýygnakda sözlemäge adatlanmany üçin, oňa aýtjak bolýan zadyny kebşirlemek aňsat däldi* (B. Kerbabaýew).

**KEBŞIRLEMEKLIK** [kevşi:rlemeklik], *iş ady.* Kebşirlemek ýagdaýy.

**KEBŞIRLEMEZLIK** [kevşi:rlemezlik], *iş ady.* Kebşirlemek işini ýerine ýetirmezlik.

**KEBŞIRLENMEK** [kevşi:rlenmek], *işl.* **1**. Şaý-sep bölekleri, metal bölekleri biri-birine kebşir arkaly seplenmek. **2**. *göç.m.* Iki zat biri-birine laýyk getirilmek, gabat getirilmek. *Bu iki derwezäniň kebşirlenip gurluşy-da bir meňzeşdi* (A. Gowşudow).

**KEBŞIRLEŞMEK** [kevşi:rleşmek], *işl.* **1**. Kebşirlemäge kömekleşmek. *Ol apbasynyň gulpuny kebşirleşdi.* **2**. Bilelikde kebşirlemek. *Ussalar turbalaryň sepini kebşirleşip otyrdylar.*

**KEBŞIRLETMEK** [kevşi:rletmek], *işl.* Kebşirlemek işini başga birine etdirmek. *Gönjügiň aralyk bezegini ussa kebşirletmek.*

**KEBŞIRLEÝIŞ** [kevşi:rleýiş], *iş ady.* Kebşirlemek ýagdaýy.

**KEBŞIRLEÝJI** [kevşi:rleýji], *at.* Şaý-sepiň böleklerini, metallary biri-birine sepleýji, tutduryjy, birikdiriji. *Tiz wagtdan kebşirleýjiler işe başladylar* (B. Pürliýew).

**KEBŞIRLÄBERMEK** [kevşi:rlä:vermek], *işl.* Kebşirlemäge girişmek, başlamak; kebşirlemek işini dowam etdirmek.

**KEBŞIRLI** [kevşi:rli], *syp.* **1**. Kebşir bilen seplenen, tutdurylan. *Kebşirli saçlyk.* **2**. *göç.m.*Söze çeper, ýerbe-ýer aýdylan, syntgylanan, öz ýerinde aýdylan manyly söz. *Ol ýene: – Bä, her ýerde kebşirli söze çeper adamlar bar-ow – diýip, kellesini yralap tassyklady* (A. Durdyýew).

**KEBZE** [kevze], *at.* Goluň arka tarapda gutarýan ýerindäki kepjä meňzeş ýasy süňki, pilçe. *Kebzäňde göterip her gyşyň garyn, Agyr ýüki dokuz aýlap saklaýaň* (M. Seýidow).

**KEÇ**, *syp.* **1**. Öz diýenini edýän, kesir, keçjal. **2**. Ugruna bolmadyk, ters gelýän, ters. *Işim kejine boldy-ow* ("Görogly"). *Kaýan çekdi keç ykbalyň, Nirelerden düşdi ýoluň* (Ç. Aşyrow). **3**. *gepl.d.* Ýaramaz, biderek. *Ýer ýüzünde beýle-de bir keç ýer bolar ekeni* (Ş. Borjakow).

◊ **Kejine gaýtmak (gitmek)** biriniň tersine gitmek, diýenini makul tapman, garşylyk görkezmek. **Kejine tutmak**. **1**) öz diýeniňi tutup durmak. **2**)

beterine tutmak (howa ýagdaýy hakynda). *Harasat barha kejine tutýardy.*

**KEÇAMMYR**, *at.* Gyzgyn demri gapjap tutmak üçin ulanylýan uzyn saply gural, ammyr.

**KEÇE**, *at.* Gül basylyp ýa-da gül basylman, goýnuň ýüňünden ýörite usul bilen taýýarlanýan öý düşegi. *Gülli keçe.*

◊ **Keçe basmak** gamşa dolanan, suwy gidýänçä garşylyklaýyn çekilen, keçe halyna geleňkirlän, keçeligi bilekläp basmak. *Gollaryny çyzgap, dokma dokardy, keçe basardy* (N. Pomma). **Keçe bişirmek** täze, köp düşelmedik ýa-da könelişip güýe düşen keçäniň süňňüni täzelemek we hilini gowulandyrmak üçin üstünden ýüň kirini guýup, bilekläp basmak. **Keçe çekmek** gamşa salnyp düýrlenen keçäniň iki ýerinden uzyn ýüp salyp, iki ýana çekip togalamak (şeýle edilende ýüň baslygyp, keçe halyna öwrülýär. Çekilýän keçäniň üstünden suw guýlup durulýar). **Keçe düýrmek** gamşyň üstünde gül basylyp taýýarlanan keçäni gamyş bilen birlikde düýrlemek, dolamak (gamşa düýrlenen keçe daşyna ýüp oralyp, az-azdan suw guýlup çekilýär). **Keçe salmak** saýylyp, daralyp taýýarlanan goýun ýüňüni gamşyň ýüzüne ýazyp, gül basyp, keçe etmek üçin taýýarlamak.

**KEÇE-KEÇE**, *at.* Gizlenen zadyň kimdedigini bilmek üçin iki tarap bolup oýnalýan milli oýun, ýüzük bukdy, çeke-çeke oýny.

**KEÇE-KIZ** [keçe-ki:z], *at, gepl. d.*, *ser.* **Keçe** we **Kiz**. *O zamanlar ýazynara keçe-kizem tapylmazdy.*

**KEÇELIK**, *syp.* Keçe eder ýaly, keçe etmäge ýaraýan, bir keçä ýeterlik ýüň.*Keçelik ýüň saýmak.*

**KEÇGERT** [keçğert], *at.* Miweli agaçlaryň çybygy kesilýän orak.

**KEÇJAL** [keçja:l / ketja:l], *syp., ser.* **Keç 1**. *Käte küýli ýaly, duran bir laldyr, Ýeňsesin tüňňerder, gaty keçjaldyr* (A. Kekilow).

**KEÇJALLYK** [keçja:llyk / ketja:llyk], *at, ser.* **Keçlik**. *Sen şu häzir hem keçjallyk edip durmukaň diýýärin* (H. Ysmaýylow).

**KEÇJE** [keçje / ketje], *syp.* **1**. Özdiýenli, öz ynanjyna gulluk edýän, köpçüligiň tersine gidýän keçjal adam. *Aşyr şol oýlardan soň, öz niýetini bütinleýin keçje diýip düşündi* (B. Kerbabaýew). **2**. Keç, ters.

**KEÇJELIK** [keçjelik / ketjelik], *at.* **1**.Hötjetlik, terslik, nädogrulyk, keçlik. **2**. *ser.* **Keçjallyk**.

**KEÇLIK** [keşlik], *at, ser.* **Keçjelik.** *"Bu derýa meniň ölmeli ýerim boldy" diýip, pelegiň keçligine, bagtynyň şumlugyna ýanyr erdi* ("Zöhre – Tahyr").

**KEFAL** [kefa:l], *at.* Ýasy kelleli, gerşi gara, daşy teňňeli, eti gylçyksyz ownuk deňiz balygy.

**KEJEBE** [kejeve], *at.* **1.** Gelin alnanda, gelni atasy öýünden mündürip alyp gaýtmak üçin niýetlenen gelinalyjy, atbaşçy maşyn. *Kejebe maşyn geldi.* **2**. *kön. s.* Gelin alnanda, gelni atasy öýünden mündürip alyp gaýtmak üçin düýäniň howudynyň üstünde jaýlaşykly oturar ýaly bezelip gurnalan ýörite çadyr. *Kejebäni çekmäge ak maýa gerek* (Halk aýdymyndan). *Ýene bir günem akmaýaň üstünde ak kejebe gurap*, *gelnalyjy bilen atbaşçy geldi* (N. Pomma). **3**. *kön.s.* Töwerek-daşy arpa ýa-da bugdaý sypalyndan örülýän aşagy bekli, depesi ýapgyt odur-budur, goş salynýan desga. **4**. Köýnegiň ýakasyna, hala salynýan kejebe görnüşli nagyş. *Ol köýneginiň ýakasyna kejebe nagşyny saldy.* **5**. *gepl. d.* Köplenç, üsti, töweregi ýapyk, içiniň meýdany giň bolmadyk orun, kabina. *Maşynyň kejebesinde sürüji bilen ýene iki adam bardy.*

◊ **Kejebäň darykmak (garyşmak)** pursatlyk gaharyň gelmek, bir zat üçin dünýäň darykmak.

**KEJEBEGÖL** [kejeveğö:l], *at.* Hala salynýan kejebä meňzeş owadan gölüň ady.

**KEJEBELEME** [kejeveleme], *iş ady.* Kejebelemek ýagdaýy.

**KEJEBELEMEK** [kejevelemek], *işl. kön. s.* **1**. Düýäň üstünde kejebe gurnamak. **2**. *ösüml. d.* Güllemek, gül çykarmak (tohumlyk sogan hakynda).

**KEJEBELEMEKLIK** [kejevelemeklik], *iş ady.* Kejebelemek ýagdaýy.

**KEJEBELEÝIŞ** [kejeveleýiş], *iş ady.* Kejebelemek ýagdaýy.

**KEJELEŞMEK** [kejeleşmek], *işl.* Biriniň kejine gaýtmak, tersine gitmek, biri bilen jedelleşmek, dawalaşmak.

**KEJEŇEK**, *syp. ser.* **Kesir 1**.

**KEJEŇEKLIK**, *at, ser.* **Kesirlik**. *Kejeňekligi üçin, kakam oňa pent bermegi ýüregine düwýär* (H. Garabaýew).

**KEJEŞMEK**, *işl., ser.* **Kejeleşmek**.

**KEJI**, *at.* Pile çekilip, ýüpek alnandan soň galan galyndy, ýüpegiň pes hili.

**KEJIGIBERMEK** [kejiğivermek], *işl.* Kejigip ugramak, kejikmäge başlamak, öjeşibermek.

**KEJIGIŞMEK** [kejiğişmek], *işl.* Her tarap öz diýenini gögertmek üçin, ýaňkalaşmak, öjügişmek, keçjallyk edişip durmak.

**KEJIKME,** *iş ady.* Kejikmek ýagdaýy.

**KEJIKMEK,** *işl.* Kesirlik etmek, öz diýeniňi tutup durmak, keçjallyk etmek. *Annatuwagyň çendan ýersiz-ýere kejigýäni ony geňirgendirýärdi* (B. Kerbabaýew).

**KEJIKMEKLIK,** *iş ady.* Kejikmek ýagdaýy.

**KEJIKMEZLIK,** *iş ady.* Kesirlik etmezlik, öz eňeňiňe tutmazlyk, keçjallyk etmezlik.

**KEJIR,** *syp., ser.* **Kesir I**. *Ol diýseň ynanmazak hem kejir adam eken* (A. Nazarow).

**KEJIRLIK,** *at, ser.* **Kesirlik**. *Durdymyrat kejirlik bilen doganynyň diýenini etmezdi* (B. Seýtäkow).

**KEKEÇ I,** *at.* Horazyň, towugyň we ş.m. guşlaryň depesindäki üsti kert-kert ýasyja gyzyl ösüntgi, täç. *Gyzyl kekeç horazlar harmandadyr ýar-ýar.*("Monjugatdy")

**KEKEÇ II,** *syp., gepl. d.* Geplände sakynýan, sakaw. *Kekeç çaga.*

**KEKEÇLEK** [kekeşlek], *syp.* Kekeji uly bolan. *Kekeçlek horaz.*

**KEKEÇLEME** [kekeşleme], *iş ady.* Kekeçlemek ýagdaýy.

**KEKEÇLEMEK** [kekeşlemek], *işl., gepl. d.* Sakynyp geplemek, sakawlamak. *Emma kekeçläp geplemegi Nurberdi aganyň gaty gaharynyň*

*gelenliginiň alamaty bolandygyny oba adamlarynyň hemmesi bilýärdi* (A. Gowşudow).

**KEKEÇLEMEKLIK** [kekeşlemeklik], *iş ady.* Kekeçlemek ýagdaýy.

**KEKEÇLEÝIŞ** [kekeşleýiş], *iş ady.* Kekeçlemek ýagdaýy.

**KEKENE,***at.haýwanat d.*Hyýar, gawun ýaly ekinleriň pazylyny iýýän arkasy ýaşylymtyl ýa-da gyzyl meneklije möjejik.

**KEKIL**, *at.* **1**. *ser.* **Käkil**. **2**. Adam ady.

**KEKIRDEK,** *at.* Kekirdewügiň bogazda gutaran ýeri, emenjek çukuryň ýokary başy; bokurdak, bogaz. *Azat sen-men ýok, onuň kekirdeginden ýapyşdy* (A. Nazarow).

**KEKIRDEKLEMEK,** *işl., gepl.d.* Kekirdege ýetmek, kekirdege çenli bolmak. *Eger suw mes bolsa, onda meni kekirdeklärdi, mes bolmasa, meniň egnimden bolardy* ("Edebiýat we sungat").

**KEKIRDEWÜK** [kekirdöwük], *at.* Öýkenden kekirdege çenli aralygy birleşdirýän bogun-bogun dem alyş ýoly.

**KEKRE** [kekre], *at.* Ownuk çalymtyk ýaprakly, güli gotaz ýaly, tagamy ajy ot. *Ajysy kekre bilen burç-a beýlede dursun, zakgundanam ajydy* (N. Pomma). *Käte dilim bala degýär, Käte degýär ajy kekrä* (K. Gurbannepesow).

◊**Kekre ýaly 1)** örän ajy.. *Agzymyň içi edil kekre ýaly.* **2)** yzgytsyz, hyrsyz.

**KEL**, **1**. *at.* Adamyň kellesinde döreýän kesmekli ýokanç kesel. **2**. *syp.* Şol kesel ýokuşan (adam). **3**. *syp.* Saçy doly düşen, saçy bitmeýän (adam). **4**. *syp., göç.m.* Selçeň däneli (mekgejöweniň golçury hakynda). *Ol ýetişendir diýip, bir mekgejöweni gaňyrdy weli, ol kel ekeni.*

◊ **Keliň saçy ýaly** örän seýrek, selçeň, gür däl. **Kel tokly** zordan sürä eýerýän, horja, zordan sana goşulýan tokly.

**KELAM** [kela:m], *at, k.d.* **1**. Söz, gürrüň, söhbet. *Güneşli ülkämden salamly geldim, Kalbym doly alkyş, kelamly geldim* (K. Gurbannepesow). **2**. *ser.* **Kelamylla.** *Hojam aga, siz taňrynyň kelamyny köp okaýan adamsyňyz* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kelam agyzsöz** bir-iki agyz söz. *Ol kelam agyz söz aýtmady.*

**KELAMYLLA** [kela:mylla:], *at.* Gurhan. *Kelamylla açyp, ykbal garanlar, Tapmady derdine derman, Çowdur han* (Magtymguly).

**KELÇERMEK,***işl., ser.* **Kilçermek.** *Sözle sözüň seljerip, Her zat diýme kelçerip* (Halk döredijiliginden).

**KELÇIK,** *syp., gepl.d., ser.* **Kilçik.** *Eger bolsun diýseň ýeňil agyrlar, Kelçik sözläp agyrtmagyl bagyrlar* (Magtymguly).

**KELÇIKLEMEK,** *işl., gepl. d., ser.* **Kilçiklemek.** Kilçiklik etmek. *Ýeri, ulyny-kiçini sylaman, kelçikläp durmasana!*

**KELÇIKLIK,***at, ser.* **Kilçiklik.** *Bular ýaly zatlary onuň kelçiklik hasaplaýandygy ýadyna düşdi.*

**KELÇ-KÜLÇ**, *syp.* Kilçige mahsus bolan ýuwan hereket. *Onuň hem sebäbi kakamyň kelç-külç edip ýörmän, işine jür bolmagy bolsa gerek* (H. Garabaýew).

**KELEBAGAJY** [kelevağajy], *at.* Ýüpegi, ýüplügi keleplemek üçin ýörite taýýarlanýan agaç gural,enjam.

**KELEGAÝ** [keleğa:ý], *at, ýerli g., ser.* **Ýelýyrtan**.

**KELEK**, *syp.* Şahy ýok, şahy bolmadyk, şahy döwlen. *Kelek geçi. Kelek sygyr.*

◊**Kelek baş bugdaý** başy gylçyksyz ýa-da dänesiz bugdaý.

**KELEKBAZ** [kelekba:z], *syp.* Oýunçy, pyrryldakçy, aldawçy.

**KELEKBAZLYK** [kelekba:zlyk], *at.* Oýunçylyk, pyrryldakçylyk, aldawçylyk.

**KELEM**, *at.* **1**. Özeniniň daşyna ýapraklary dolanyp, kelleläp hasyl getirýän birýyllyk gök ekin. *Atyzlaryň, joýalaryň gyralaryna kelem, käşir ekildi.* **2**. Şol ekiniň hasyly. *Onuň bir elinde kartoşkadan, düýp sogandan, almadyr pomidordan, kelemden hyryn-dykyn bolan tory bardy* (B. Annageldiýew).

**KELEME I**, *at, taryh.* On iki sagatlyk suw nobaty, dört suw. *Bir keleme suwuň bolsa, Iki ýylda baý bolarsyň* (Ç. Aşyrow).

**KELEME II**, *at.* **1**. *ser.* **Kelam söz.** *Jygalybeg agtygynyň katdy-kamatyna guwanyp, şat bolup, bäş keleme söz aýdýar* ("Görogly"). **2**. Gurhanyň musulmanlyk şertini kesgitleýän bir süresi we onuň ady.

◊ **Kelemäňi çöwürmek, gaýtarmak (öwürmek)** musulmanlygyňy ykrar etmek üçin Gurhan süresini sesli aýtmak.

**KELEMENLEME**, *iş ady.* Kelemenlemek ýagdaýy.

**KELEMENLEMEK**, *işl.* **1**. Eliňi aşak-ýokaryk, eýläk-beýläk galgatmak. *Gepläňde eliňi kelemenläp durmanda bolmaýarmy?* **2**. Ýokardan aşaklygyna galgap gaýtmak.

**KELEMENLEMEKLIK**, *iş ady.* Kelemenlemek ýagdaýy.

**KELEMENLEMEZLIK**, *iş ady.* Kelemenläp hereket etmezlik.

**KELEMENLETDIRMEK**, *işl.* **1**. Elini aşak-ýokaryk, eýläk-beýläk galgatdyrmak. **2**. Ýokardan aşaklygyna galgatdyryp gaýtdyrmak.

**KELEMENLETMEK**, *işl.* Eliňi aşak-ýokaryk, eýläk-beýläk galgatmak.

**KELEMENLEÝIŞ**, *iş ady.* Kelemenlemek ýagdaýy.

**KELEP**, *at.* Kelebagaja ýa-da leklekä saralyp alnan belli mukdardaky ýüpek sapak ýa-da ýüplük. *Ak köýnekli ýüpekçi gyz, Kelebini sarap gelýär* (M. Seýidow).

◊ **Kelebiň ujuny ýitirmek** ugruňy ýitirmek, näme edip, näme goýýanyňy, näme etjegiňi bilmän durmak, gaty aljyramak.

**KELEPÇE,** *at. ösümlik d.* Ýasy ýaprakly, ýapragynyň ujy tikenli, ýylmanajyk däneli ot. *Olar*

*göýül, kelepçe, dälijemäş, sersepil ýaly meýdan otlaryny-da şu güne çenli bilmeýär ekenler* (N. Esenmyradow).

**KELEPLEME,** *iş ady.* Keleplemek ýagdaýy.

**KELEPLEMEK,** *işl.* Ýüplügi, ýüpegi kelep görnüşine getirmek, kelep agajyndan geçirmek, leklekä sarap, kelep etmek. *Ýüpek keleplemegi ol derrew öwrendi, özi ýalylar bilen deňleşdi* (K. Berdiýew).

**KELEPLEMEKLIK,** *iş ady.* Keleplemek ýagdaýy.

**KELEPLEMEZLIK,** *iş ady.* Leklekä, kelebagaja ýüplügi, ýüpegi saramazlyk, kelep görnüşine getirmezlik.

**KELEPLENMEK**, *işl.* Kelebagajy, lekleki arkaly kelepledilmek.

**KELEPLEŞMEK**, *işl.* **1**. Birine ýüplügi, ýüpegi we ş.m. keleplemäge kömek etmek. *Ýüpek kelepleşmek.* ***2.*** *Bilelikde keleplemek. Iki gelin gerlen gat-gat ýüpden uj alyp, elleri kelebagajyly iki-baka gatnap, ýüplük kelepleşip ýördüler.*

**KELEPLETMEK**, *işl.* Ýüpegi, ýüplügi we ş.m. başga birine kelep etdirmek. *Ýüpek kelepletmek.*

**KELEPLEÝIŞ**, *iş ady.* Keleplemek ýagdaýy.

**KELEPLEÝJI**, *at.* Ýüpegi, ýüplügi kelepleýän, keleplemek hüneriniň eýesi bolan aýal-gyz. *Pile kelepleýji*

**KELEPLEÝJILIK**, *at.* Kelepleýjiniň hünäri, käri, ýagdaýy. *Ol ýüpek kelepleýjilik hünärini ele aldy* ("Edebiýat we sungat").

**KELEPLÄBERMEK** [keleplä:vermek], *işl.* Kelepläp başlamak; keleplemek işini dowam etdirmek.

**KELESAŇ**, *syp.*Ugursyz hereket edýän, saňsar.

**KELESAŇLYK**, *at.* Kelesaňa mahsus bolan häsiýet, saňsaryň özüni alyp barşy, kemakyllylyk.

**KELETEN**, *at.* Ýelkenli gämide ýelkeniň içine ýel düşer ýaly ýokary galdyryp, aşak goýberip durar ýaly ortasy demir halkaly uzyn togalak agaç. *Keleteni çekip, galdyryp durar ýaly onuň uzyn ýüpi bolýar. Keletenimiz bolsa suwa gaçypdyr, Tamynyň gapdaly jaýryk açypdyr* (A. Kowusow).

◊ **Keleten atma** güýçli gaýly howada nawuň oňat yklamagy üçin keletene bendil daňylyp, suwa taşlamak.

**KELEW** [kelöw], *syp., ser.* **Kelesaň**, **kemakyl.**

**KELEWLETMEK** [kelöwletmek], *işl., gepl.d.* Bir zady eliňde aýlamak, kelemenletmek, galgatmak, bulamak, öwrüp eýläk-beýläk pyrlamak. *Emma taýagyny kelewledip, başyny aşak salyp, gaty ýöräp, öňünden çykan Çerkez agsak onuň ünsüni çekdi* (B. Seýtäkow).

**KELEWLIK** [kelöwlük], *at, ser.* **Kelesaňlyk**, **saňsarlyk.***Ol ýene-de kelewligini etdi.*

**KELLEAÝAK** [kellaýak], *at. ser.* **Kellebaşaýak.**

**KELLE**, *at.* **1**. Adamyň ýa-da haýwanyň beýnisini gurşaýan göwrümli süňkden ybarat agzasy, baş. **2**. Bir zadyň esasy bölegi, başy, ýokary ýa öň tarapy. *Otlynyn kellesi. Çüýüň kellesi. Tuduň kellesi.* **3**. *göç.m.* Akyl, huş, paýhas, aň. *Bu zatlar onuň bedenini gowşatsa-da, kellesine täsir edip bilmändi* (B. Seýtäkow). **4**. *göç. m., gepl. d.* Baştutan, ýolbaşçy (adam hakynda). *Her kimiň bir kelle bolup, öz täleýini özi çözýän döwri geçdi* (B. Seýtäkow).

◊ **Kelle bermek** agajy pudap, ujundaky esasy öserini goýup, şaha ýaýradar ýaly etmek. *Çybyklaryny kesip, üzüme kelle berdiler.* **Kelle döwmek (agyrtmak)** bir zadyň üstünde köp oýlanmak, pikir öwürmek, uzak pikir etmek. **Kellesine taýak degen ýaly** saňsar ýaly bolmak. **Kellesini hyzlandyrmak** Kellesini kesmek. **Kelle ýaýkamak 1)** bir zada haýran galmak, geň galmak, agzyňy açmak. **2)** bir işe ahmyr etmek, ökünmek.*Emma onuň kelläni ýaýkamakdan başga alajy ýokdy* (K. Berdiýew). **Kellä gelmek (gelmezlik)** bir zat ýada düşmek, huşa, hakyda gelmek; ýatlamak, pikiriňe gelmek.*Şundan maňa zeper ýeter diýip, ýatsam-tursam kelläme gelenokdy* (T. Gurbanow). **Kelläň çişmek** pikir edip ýadamak, oýlanyp beýniň ýadamak. *Okap-okap kelläm çişdi.* **Kelläňe turşy çykmak** akylyň çaşmak, aňkaň aşmak, bilýän zadyňy derrew ýadyňdan çykarmak. **Kelläň göçmek** şowhun-şagalaňa göterilmek, bir zada keýpiň göterilmek.*Hatda kelleleri göçen küştçüleri hem şol wehim dagatdy* (A. Gowşudow). **Kelläň gyzmak** bir işe ýa-da bir zada gyzykmak, bar oý-pikiriň bilen bir zada berilmek; bir zatda aşa gitmek. *Biraz kellesi gyzandan soň, ol myhmanlaryny unutdy.* **Kelläňi etegiňe salmak** bir iş üçin janyňdan geçmek, näme bolsa, şol bolsun etmek. **Kelläň işlemek** etjek işiňi gowy bilmek, ederiňi bilmek, her bir zada göz ýetirmek.

**KELLEBAŞAÝAK** [kellevaşaýak], *at.* Öldürilen malyň kellesi, aýaklary we ondan taýýarlanylýan naharyň ady. *Bibisoltan eje hamyry ýugrup bolansoň, gazan ataryp, kellebaşaýagy asdy* (H. Garabaýew).

**KELLEÇANAK** [kelleça:nak], *at.* Oňurgalylarda kelläniň gaty esasyny emele getirýän süňkler. *Kelleçanak süňkleri.*

**KELLEGOÇAK** [kelleğoçok], *at.* Gyňajyň gyrasyna salynýan iri, golçurlary uly nagyş, goçak. *Kellegoçak nagşyny salmak.*

**KELLEK,** *at.* **1**. Düýä taýlanyp urlan çuwallaryň ortasyna, howudyň üstüne goýulýan bogdak, serwer. **2**. Maldan boşadylan arabanyň arşynyň ýokary galdyrylyp goýulýan görnüşi.

**KELLEKESER,** *at.* Adam öldürmekden gaýtmaýan, ganojak, jellat.

**KELLEKI I,** *at.* Atyň, eşegiň kellesine salynýan gaýyş nogta. *Ol atynyň kellesine kelleki saldy.*

**KELLEKI II,** *at.* Bir tarapy deşilip, içi gyrlan, gawun paçagyna dykylan kakyň tokga bölegi. *Ol bäş kelleki kak etdi.*

**KELLEKILEME**, *iş ady.* Kellekilemek ýagdaýy.

**KELLEKILEMEK**, *işl.* Ata, eşege kelleki salmak. *Ol atyny kellekiledi-de, idip ugrady.*

**KELLEKILEMEKLIK**, *iş ady.* Kellekilemek ýagdaýy.

**KELLEKILENMEK**, *işl.* At, eşek ýaly mallara kelleki salynmak, geýdirilmek. *Atlar kellekilendi.*

**KELLEKILETMEK,** *işl.* At, eşek ýaly mallara kelleki saldyrmak, geýdirtmek. *Ol eşegini kellekiletdi.*

**KELLELI**, *syp.*1. Kellesi bar bolan. 2. *göç.m.* Paýhasly, aňly-düşünjeli, akylly. *Ol kelleli ýigitdir.*

**KELLELILIK**, *at.* Paýhaslylyk, pähimlilik, aňly-düşünjelilik, akyllylyk.

**KELLEPOŞ** [kellepo:ş], *at, ýerli g.* Kellä geýilýän zatlaryň umumy ady.

**KELLESIZ,***syp.* 1. Kellesi ýok, kellesi aýrylan. *Kellesiz läş.* 2. *göç. m.* Akyl-paýhassyz, pähimsiz, akylsyz.

**KELLESIZLIK,***at.* Akyl-paýhassyzlyk, pähimsizlik, akylsyzlyk.

**KELLIK,** *at.* Kel bolmaklyk, keliň ýagdaýy. *Kellik adamy görkden gaçyrýar.*

**KELPEŇ,** *syp.* Ýuwnuksyz, kilçik, çylkasyz, batnyksyz. *Kelpeňe syr aýtsaň, içde ýatyrmaz, Syrda şolma, ýyrak eýle özüňni* (Magtymguly).

**KELPEŇLEMEK**, *işl.* Kelpeňlik etmek, kemakyllyk etmek, ýeňilkellelik, samsyklyk etmek. *Ýeri, kelpeňläp durma-da, ugra!*

**KELPEŇLIK,** *at.* Ýuwnuksyzlyk, batnyksyzlyk, çylkasyzlyk, kelpezlik, ýeňilkellelik. *Gulamaly han kelpeňlik bilen gomparyp, ýasama güldi* (T. Taganow).

**KELPEZ,** *syp., ser.* **Kelpeň**.

**KELPEZE,** *at, kön. s.* Hažžyk. *Bedasyl götermez bäş gün mesligi, Kelpezä ýutdurmaz aždar maslygy* (Magtymguly).

**KELPEZLIK,** *at, ser.* **Kelpeňlik.** *Aýjahan ilkibada onuň bu gylygyny kelpezlik hasap etdi* (B. Gulow).

**KELTE,** *syp, gepl.d..* 1. Uzyn däl, ortaça ölçegden gysga. 2. *göç. m.* Ýetmez, kemter, ýeterlik däl. *Onuň akyly entek keltejik-de bolsa, özi örän düşbüdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kelte bazar** *gepl.d.* hepdäniň dördünji güni (sogapgün) bolýan kiçi bazar. **Kelte gaýtmak** bir işi ýetmez etmek, doly ýerine ýetirmän goýmak, bir zady doly anygyna ýetmän etmek, bärden gaýtmak. *Ine, Meýdan aganyň kelte gaýdýan ýeri* (T. Gurbanow).

**KELTEKÇE,** *at, gepl. d.* Ýüňli deriden edilen ýa-da içine pamyk salnyp syrdalan güpbi.

**KELTELDIŞMEK,** *işl., gepl. d.* Bir zadyň boýuny gerekli derejä çenli gysgaltmaga kömek etmek.

**KELTELIK,** *at, gepl. d.* Adaty uzynlygyndan, bolmalysyndan gysgalyk. *Agajyň kelteligi. Turbanyň kelteligi.*

◊ **Keltelik etmek** bir işi oýlap, doly akyl ýetirmän etmek, bärden gaýtmak, çig etmek. *Belki, men düşünýän däldirin, men keltelik edýändirin.*

**KELTELIŞ,** *iş ady., gepl.d.* Keltelmek ýagdaýy.

**KELTELIŞMEK,** *işl., gepl.d.* Öňküsine garanda keltelmek, gysgalmak

**KELTELME,** *iş ady., gepl. d.* Keltelmek ýagdaýy.

**KELTELMEK,** *işl., gepl. d.* 1. Belli bir derejede gysgalmak. 2. Uzynlygyny ýitirmek, girmek. *Köýnek bir ýuwlandan soň keltelipdir.*

**KELTELMEKLIK,** *iş ady., gepl. d.* Keltelmek ýagdaýy.

**KELTELMEZLIK,** *iş ady. gepl. d.* Öňküsinden gysga bolmazlyk, gysgalmazlyk.

**KELTELTMEK**, *işl., gepl. d.* Bir zadyň uzynlygyny kemeltmek, gysgaltmak, uzynlygyndan aýyrmak.

**KEM**, *syp.* 1. Bolmaly derejesinden az, belli bir möçberden egsik, ýetmez. *Lezzeti kem bolar, söz bolsa uzak* (Misgingylyç). 2. Üpjünçilik ýa-da guramaçylyk taýdan ýetmezçilik edýän, ýetmez. *Oraz ýagdaýyny bilýär her kimiň, Kömegin ýetirýär bolsa bir kemiň* (A. Kekilow). 3. Güýç taýdan asgyn, pes. *Habar alsaň birekden, Özün kem saýmaz döwden* (Magtymguly). 4. Jan saglykda bolan ýetmezlik, sagat dällik.

◊ **Kem bolmazlyk** oňat bolmak, erbet bolmazlyk, ýerine düşmeklik. *Aýtjak sözüňi oýlabrak aýtsaň, kem bolmaz!* (B. Kerbabaýew). **Kem däl** deňeşdirilýän zatlaryň, degşirilýän pikirleriň we ş.m. biri beýlekisinden pes däl, erbet däl. **Kem etmesin!** "hudaý hiç bir zatda ilden kem etmesin" diýen manyly dileg sözi. **Kem galmazlyk (oturmazlyk)** bir zat barada bäsdeşlik etmek, birine deňleşjek bolmak, pes durmazlyk. *Bike hem ondan kem oturmady* (R. Gelenow). **Kem görmezlik** bir zady ýerlikli hasaplamak, makul bilmek, oňat hasaplamak. – *Belet ýerimi men özümem kem görmedim – diýip, elindäki kagyzyny uzatdy* (A. Gowşudow). **Kemi galmazlyk** oňat ýerine ýetirilmek, makullarlyk ýagdaýda edilmek, kemsiz ýerine ýetirilmek. *Oglum, taýýň kem-ä galmandyr* ("Görogly"). **Kemini goýmazlyk 1)** bir zady doly ýerine ýetirmek, kanagatlanar ýaly derejede amal etmek. *Arkaýyn bol, hemmesini ýerbe-ýer ederis, kemini goýmarys* (B. Pürliýew). **2)** bir zadyň hezilini, hözirini görmek, göwün solpudan çykmak.*Hawa, olar saz-söhbetiň kemini goýmandyrlar* (N. Pomma). **Kemi ýok** oňat, gowy, göwnejaý. *Onuň ýigit kemi ýok.* **Kem ýaramazlyk** göwnüňden turmak, hoş ýakmak, gowy görmek.*Ol sözüni bölenini halamasa-da, oňa şol söz kem ýaramady* (B. Kerbabaýew).

**KEMAKYL**, *syp.* Akyly doly däl, gelip-gitmeliräk, akyl-paýhasynda kemi, ýetmezi bolan.

**KEMAKYLLYK,** *at.* Kemakyl bolmaklyk. *Oglum, sen kemakyllyk etme!*

**KEMAKYLLYLYK,** *at, ser.* **Kemakyllyk**. *Men ýaşlyk, kemakyllylyk edip, okuwymyň arasyny kesip, uly ýalňyşlyk etdim.*

**KEMAL** [kema:l], *at.* 1. Kämil, ýetişen. *Kemlik eýle, kemal bar, Menlik etme, zowal bar* (Magtymguly). 2. Oglana dakylýan at.

◊ **Kemala gelmek 1)** kämillik ýaşyna ýetmek, ýetişmek, göze görünmek (gyz hakynda); ýigit çykmak, jahyl çykmak (oglan hakynda). **2)** hasyla durmak, bişmek, ýetişmek. *Kemala gelen hasyly ýygnamaklyga ilkinji günlerden guramaçylykly*

*girişdiler.* **3)** ösmek, taplanmak. **Kemala getirmek 1)** terbiýeläp ýetişdirmek, jemgyýetiň abraýly, görnükli adamsy, agzasy hataryna goşmak. **2)** ýüze çykarmak, döretmek.**Kemal etmek** kämillige ýetirmek, hasyl etmek.

**KEMALLY** [kema:lly], *syp.* **1**. Oňly, ugurly, derekli, oňat. *Pessaýlap ösýän şemal gök çöpleri kemally gozgap bilmese-de, topalaklaryň, selmeleriň başlaryny yralaýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Doly, ýetik, emelli-başly. *Bir ýar bergil etli-ganly, Dil bilen, akly kemally* (Magtymguly).*Onuň belli işleýän ýeri hem ýokdy, kemally bilýän zady hem ýokdy* (H. Ysmaýylow).

**KEMALLYLYK** [kema:llylyk], *at.* Ugurly-dereklilik, oňlulyk, emelli-başlylyk.

**KEMALSYZ** [kema:lsyz], *syp.* Ugursyz, dereksiz, oňly däl, ugur-utgasyz.

**KEMALSYZLYK** [kema:lsyzlyk], *at.* Ugursyzlyk, dereksizlik, ugur-utgasyzlyk.

**KEMAN** [kema:n], *at.* **1**. Ýaý. *Kirpikleri okdur, gaşy kemandyr* (Magtymguly). **2**. *gepl.d.* Oglanlaryň toýnuga rezin dakyp, göjek, daş atýan ýaýy. *Agaly kemany jübüsine salman, güne çalaja solup başlan maýkasynyň ýakasyndan içine taşlady* (A. Gurbanow).

**KEMANÇA** [kema:nça], *at, ser.* **Kemençe**. *Heý golaý-goltumda kemançany gyjaga süýkäp bilýän ýokmy?* ("Edebiýat we sungat").

**KEMANÇY** [kema:nçy], *at.* Keman atmaga türgen adam; ýaý atyjy, ýaýçy.

**KEMANLAMA,** *iş ady.* Kemanlamak ýagdaýy.

**KEMANLAMAK** [kema:nlamak], *işl., gepl.d.* Keman bilen atmak, ýaýlamak. *Sen ony kimiň kemanlandygyny bilmediňmi?* (A. Gurbanow).

**KEMANLAÝYŞ** [kema:nlaýyş], *iş ady.* Kemanlamak ýagdaýy.

**KEMBAHA** [kemmaha], *syp.* Ýeterlik baha berilmeýän, ähmiýeti az hasaplanýan.

**KEMÇILIK,** *at.* Işde we ş.m. bolýan ýetmezçilik.

**KEMÇILIKLI,** *syp.* Ýetmezçiligi bar, kemçiliksiz däl.

**KEMÇILIKSIZ,** *syp.* Kemçiligi ýok, kemçilikli däl,birkemsiz. *Bir aýypsyz gözel bolmaýşy ýaly, bir kemçiliksiz iş hem bolmaýar.*

**KEMÇILIKLILIK,** *syp.* Kemçiligi barlyk, kemçiliksiz dällik.

**KEMÇILIKSIZLIK,** *at.* Kemçiligi ýokluk, kemçilikli dällik.

**KEMÇIN,** *at.* Wepasyz, päklik tarapdan özüni nädogry alyp barýan aýal, egrilik edýän aýal, ahlaksyz aýal, bihaýa.

**KEMÇINLIK,** *at.* Wepasyz, zenan päkligini ýitiren ýagdaýynda bolmaklyk, biwepalyk. *Kemçinlik eýleýip, ýygan puluny, Düzedip özüne daka başlady* (Magtymguly).

**KEMDEST** [kemdes], *hal, k.d.* Goly ýuka, ýoksul, garyp. *Kyn boldy güzeran, düşdük bir hala, Kemdest bolduk niçe başyň içinde* (Zelili).

**KEMDESTLIK** [kemdeslik], *at.* Goly ýukalyk, ýoksullyk, garyplyk. *Kimse galdy kemdestligiň dagyna, Düşmedik dünýäniň gara-agyna* (Zynhary).

**KEMELDIJI,** *at, mat.* Bir sanyň ujundan bölüp aýyrýan san, kemeldýän san.

**KEMELIBERMEK** [kemelivermek], *işl.* Kemelip ugramak, kemelip başlamak.

**KEMELIJI,** *at, mat.* Ujundan bölünip aýrylýan san, kemelýän san.

**KEMELIŞ,** *iş ady.* Kemelmek ýagdaýy.

**KEMELIŞMEK,** *işl.* Kem-kemden kemelmek, dura-bara azalmak. *Soňra gabagyny haýal galdyryp, şöhlesi kemelişen eserdeň gözlerini Begenje dikdi, gülümsiräp söze başlady* (G. Kulyýew).

**KEMELME,** *iş ady.* Kemelmek ýagdaýy.

**KEMELMEK,** *işl.* **1.** Dura-bara azalmak, möçberi, mukdary azalmak. **2.** Günden we ş.m. düşýän ýagtylyk peselmek. *Oduň howry gitdigiçe kemelýärdi.*

**KEMELMEKLIK,** *iş ady.* Kemelmek ýagdaýy.

**KEMELMEZLIK,** *iş ady.* Öňki derejesinden kem bolmazlyk, dura-bara azalmazlyk, mukdary azalmazlyk, möçberi egsilmezlik.

**KEMELTDIRMEK,** *işl.* Möçberini, mukdaryny azaltdyrmak.

**KEMELTMEK,** *işl.* **1.** Bir zadyň mukdaryny,möçberiniazaltmak. **2.** Öňki derejesinden peseltmek, gowşatmak. *Gün gijigip, ýandyryjy güýjüni kemeldenden soň, adamlar öýüň daş işigine üýşýärdiler* (A. Gowşudow).

**KEMEN,** *at, ser.* **Kement.** *Boýnumga baglap sen kemen, Ykbalym keç, bagtym ýaman* (Mollanepes).

**KEMENÇE,** *at.* **1.** Gyjak çalmak üçin atyň guýruk gyly berkidilen sähelçe egriräk, inçejik, uzyn çybyk, taýajyk. **2.** Süýkelip çalynýan saz guraly.

**KEMENT,** *at.* **1.** Uly syrtmakly ýogyn ýüp. *Döwletim boýnuma gyl kement atmyş* (Magtymguly). **2.** *göç. m.* Saç (söýgülisiniň saçy hakda). *Dal gerdene kement bolsun* ("Gül – Senuber").

**KEMENTBAZ,** [kementba:z], *at.* Kement bilen tutmaga türgenleşen adam, kement oklaýjy adam. *Kementbazlar, kementbazlyk bilen boluň!* ("Görogly").

**KEMENTBAZLYK,** [kementba:zlyk], *at.* Kementbazyň işi, wezipesi.

**KEMER,** *at.* **1.** Gaýyş guşak, biliňe daňmak üçin gaýyş bag. *Kemeriňi guşanyşyňa bir seret, başgalaryňka-da bir seret* (A. Durdyýew). **2.** Dagyň gaýasyndaky aýlaw-aýlaw basgançak şekilli gurşawlar, zolak-zolak gat. *Sowukdan hem başga zatdan goranmak üçin, amatly ýer hasaplap, bir beýik gaýanyň kemerleriniň birinde düşüpdirler* (A. Gowşudow). **3.***gepl.d.* Goranmak maksady bilen salnan galanyň diwarynyň iç ýüzündäki ýöremek üçin edilen basgançak.

**KEMIBERMEK** [kemivermek], *işl.* Kemip ugramak, kemip başlamak.

**KEMINE** [kemi:ne], *syp.***1.** Garyp, pukara; ejiz. *–Bu kemine hyzmatkäriňize ne emriňiz bar? – diýdi* ("Zöhre – Tahyr"). *Peseldip, özüňi tutgul kemine,*

*Musulmanlyk şerti – saklama kine* (Zelili). **2.** Oglana dakylýan at.

◊ **Kemine göwün** bir zat üçin durmuşdan nadyl, närazy. *Men bir biçäre men, göwnüm kemine* (Halk aýdymyndan).

**KEMIS,** *syp.* **1.** Dogmaly wagtyndan öň dünýä inen (çaga hakynda). *Kemis dogan çaga.* **2.** *gepl.d.* Näsag, nähoş. *Ol bir kemis tapynandyr, bolmasa işe gelerdi.*

**KEMISLIK,***at.* Näsaglyk, nähoşluk. *Men ertir ugramda-da, kemisligimiň baryny duýupdym* (B. Kerbabaýew).

**KEMIŞ,***iş ady.* Kemmek ýagdaýy.

**KEMIŞ-KEMIŞ: kemiş-kemiş etmek** *ser.* **Kemşermek.** *Şu mahal onuň dodaklary kemiş-kemiş edýärdi* (N. Saryhanow).

**KEMJE-KERDEM: kemje-kerdem däl** "pylan zat bolaýsa gowy, oňat bolardy" diýen manyda ulanylýan söz düzümi. *Be, şu wagt çaý bolaýsa-ha kemje-kerdem däl* (H. Meläýew).

**KEM-KEM,** *hal.* Dura-bara, barha, ýuwaş-ýuwaş, gitdigiçe, kem-kemden, assa-ýuwaş. *Boýnuma alan işimiň kem-kem ugruna çykdym* (A. Kekilow).

**KEM-KEMDEN,** *hal.* Dura-bara, ýuwaş-ýuwaşdan, barha, gitdigiçe, wagt geçdigiçe.

**KEM-KÄS** [kem-kä:s], *hal.* **1.** Sähelçe, birneme, biraz, azda-kände, belli bir derejede. *Maşgalam kän bolmany üçin, kem-käs tygşytlan pulum ýok däl* (B. Kerbabaýew). **2.** Az-owlak, käbir, ýek-tük, ýek-ýarym (kemçilik, ýetmezçilik hakynda). *Pürli aga, kem-käs ýerini törpüleseň, saz ganat açarmyka diýýän* ("Edebiýat we sungat").

**KEM-KÄSLEÝIN,** [kem-kä:sleýin], *hal.* Bölekleýin, başbitin däl-de, bölek-büçek, ýarpy-ýalta.

**KEM-KÖST,** [kem-kö:s(s)]. Bir zadyň ýetmezçiligi, kemi, kösti. *Öz işinde zähmet çekip, kem-kössüni goýman, ussatlygyňy görkezmek gerek* (A. Gowşudow).

**KEMLIK,** *at.* Gerekli derejeden, mukdar-möçberden azlyk, ýetmezlik; haýsydyr bir babatdan peslik, asgynlyk. *Hemişeki ýaly nepis nagyşlar çekmäge görejiniň nury kemlik edýärdi* (G. Kulyýew).

◊ **Kemlik bilmek** bir zady öz mertebäňden pes bilmek, kiçilik bilmek. **Kemlik dereje** *dil b.* sypatlaryň soňuna *-ymtyk, -imtik, -umtyk, -ümtik, -mtyk, -mtik; -mtyl, -imtil, -gylt, -rak, -räk* we ş.m. goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýan we many taýyndan goşulýan sözüne kemlik ýokundysyny berýän sypat derejesi. *Meselem: Ak – agymtyl, gök – gögümtil, sary – sarymtyl, turşy – turşumtyk, süýji – süýjümtik, göni – gönüräk, gyzykly – gyzyklyrak, gorkak – gorkagrak, gyzyl –gyzgylt.*

**KEMME,** *iş ady.* Kemmek ýagdaýy.

**KEMMEK,** *işl.* Umumy bir zadyň göwrümini, agramyny, möçberini, bahasyny, derejesini we ş.m. azaltmak, kem etmek, egsik etmek, aşaklatmak.

**KEMMEKLIK,** *iş ady.* Kemmek ýagdaýy.

**KEMMEZLIK,** *iş ady.* Öňki derejesinden kemeltmezlik.

**KEMPAÝ** [kempa:ý], *at, gepl.d.* Adamyň, haýwanyň arka tarapy, arkasy.

**KEMPERIŞ,** *iş ady.* Kempermek ýagdaýy.

**KEMPERME,** *iş ady.* Kempermek ýagdaýy.

**KEMPERMEK,** *işl.* Dişleriň dökülmegi sebäpli, agzyň töweregi içine ýykylyp, eňegiň öňe gitmek. *Eňekleri kemperip, durşuna dym-ak tüý bolan garry salamyny aldy* (A. Salyh).

**KEMPERMEKLIK,** *iş ady.* Kempermek ýagdaýy.

**KEMPERTMEK,** *işl.* Kempik hala getirmek. *Ol agzyny kemperdip, bir zat çeýneýän ýaly bolup otyrdy.*

**KEMPIK** *syp.* Dişleriň dökülmegi sebäpli, agzyň töweregi içine ýykylan, eňegi öňe giden.

**KEMPIR,** *at.* **1.** Garry aýal, ýaşy bir çene ýeten aýal. *Ol ilki bilen ýarty bedre suwy zordan göterip barýan altmyş ýaşlaryndaky bir kempire gabat geldi* (Ö. Abdyllaýew). **2.** *gepl.d.* Aýal, keýwany. *Onuň öýündäki kempirinden gaýry hiç ýerde, hiç hili hossary ýok* (N. Pomma).

**KEMPIRLIK,** *at.* Öte garrylyk; kempiriň ýagdaýy. *Ol kempirlik ýaşyna ýetipdi.*

**KEMPUT** [kempu:t], *at.* Daşy owadan kagyzly we kagyzsyz dürli görnüşdäki süýji tagamly konditer önüminiň ady. *Soňra Sabyr eje kagyzyň üstüne kemput we köke döküp, oglanjygyň öňünde goýdy* (H. Ysmaýylow).

**KEMRYSGAL** [kemyrysğal], *syp.*Rysgaly kem, güni-güzerany pes, bolaýmaly zatlardan hem nesibesi bolmadyk, nesip etmedik.

**KEMRYSGALLYK** [kemyrysğallyk], *at.*Rysgaly kemlik, rysgalsyzlyk, nesibesizlik, nesibesi ýokluk.

**KEMSIDILME,** *iş ady.* Kemsidilmek ýagdaýy.

**KEMSIDILMEK**, *işl.* Biriniň göwnüne, mertebesine degilmek, raýy ýykylmak, göwni ýetmän äsgerilmezlik, sanda görülmezlik.

**KEMSINDIRMEK** [kemsinnirmek], *işl.* Bir zatdan nägile etdirmek, göwni çökgünlik halyna salmak.

**KEMSINIŞ,** *iş ady.* Kemsinmek ýagdaýy.

**KEMSINME,** *iş ady.* Kemsinmek ýagdaýy.

**KEMSINMEK,** *işl.* Haýsydyr bir zadyň özünde ýokdugyna, şol zada ýetip bilmeýändigine we ş.m. zat üçin öz ýanyndan gynanmak. *Olaryň şeýle üýşmekde ýokdugyna kemsindim* (R. Gelenow).

**KEMSINMEKLIK,** *iş ady.* Kemsinmek ýagdaýy.

**KEMSITMEK,** *işl.* Her hili ýaramaz söz ýa-da hereketiň bilen başga biriniň mertebesini peseldip, ony gynandyrmak.

**KEMSITMEZLIK,** *iş ady.* Göwne degmezlik, agyr- agramly söz aýtmazlyk.

**KEMSIZ,** *syp.***1.**Bolmalysyndan hem ýokary derejede, birkemsiz, kemsiz-kössüz.*Bir kemsiz gözel bolmaz* (Nakyl). **2.** Gutarnykly, doly, aňryýany bilen.

*Sen onuň bilen kemsiz dost bolsaň hem, sen näme üçin oňa basalga bolaňok?* (B. Kerbabaýew).

**KEMSIZ-KÖSSÜZ** [kemsiz-kö:ssüz], *syp.* Hiç kemsiz, kemi-kössi ýok, ýerbe-ýer. *Iş kemsiz-kössüz ýerine ýetirilipdir.*

**KEMSIZ-KÖSSÜZLIK** [kemsiz-kö:ssüzlük], *at.* Hiç hili kemi bolmadyk, kemi-kössi ýokluk, ýerbe-ýerlik. *Işiň kemsiz-kössüzligi onuň göwnünden turdy.*

**KEMŞERILMEK,** *işl.* Dodaklaryňy müňküldedip, aglajak-aglajak ýaly bolmak, kemiş-kemiş etmek.

**KEMŞERIŞ,** *iş ady.* Kemşermek ýagdaýy.

**KEMŞERIŞMEK,** *işl.* Birnäçe bolup kemşermek, dodaklaryňy aglajak-aglajak ýaly etmek. *Çagalar ejelerini görüp kemşerişdiler.*

**KEMŞERME,** *iş ady.* Kemşermek ýagdaýy.

**KEMŞERMEK,** *işl.* Aglajak ýaly edip, dodaklaryňy müňküldetmek, kemiş-kemiş etmek, naýynjar aglamjyramak. *Birdenem kemşerip, maňa seretdi* (N. Baýramow).

**KEMŞERMEKLIK,** *iş ady,* Kemşermek ýagdaýy.

**KEMŞERTMEK,** *işl.* Dodaklaryňy müňküldedip, aglajak-aglajak bolýan ýaly etmek. *Tä aglap-aglap gam basan ýüregini gowzadýança, bokurdagyny dolduryp, dodaklaryny kemşerdip, hiç gepläp bilmändir* (N. Pomma).

**KEMTER,** *syp.* **1**. Bolmaly derejesinden azrak, ýetmez, pes. *Toý harajadyny kemter etmeli däl.* **2**. *göç.m.* Gowşak, doly kanagatlanarly däl, edilýän talapdan pes. *Okuwçylaryň her biriniň düzen meýilnamasynyň kemter ýerlerini mugallym düzedýär* ("Mugallymlar gazeti").

◊ **Kemter gaýtmak** bir işi etmekde bärden gaýtmak, göwnejaý etmezlik, makul etmezlik, bolmaly derejesinden pes ýerine ýetirmek.

**KEMTERLIK,** *at.* Bolmaly derejesinden azlyk, peslik, ýetmezlik. *Indi pagta ýygýan maşynlarymyz kemterlik edenok.*

**KEMTIK,** *syp.* Kem, az, kemter, ýetmez. *Öňünde göýä bir aldyrmaz gala, Güýjüň kemtik bolsa, salar howsala* (A. Kekilow).

**KENAR** [kena:r], *at.* **1.** Deňziň, derýanyň, kölüň we ş.m. gyrasy, erňegi, ýakasy. **2.** Bir zadyň gyrasy, gutarýan ýeri. *Halynyň kenary gyşyk çykypdyr.* **3.** *göç. m.* Gyra, çet, tömerek. *Akly barlar tartdy özün kenara, Garyp düşüp galdy çykmaz azara* (Magtymguly).

**KENARA** [kena:ra], *at.*Gyňaja we ş.m. salynýan gyra nagşyň ady.

**KENARALY** [kena:raly], *syp.* Gyralary nagyşly, nagyş salnan. *Kenaraly gyňaç.*

**KENARÝAKA** [kena:rýaka], *at.* Kenaryň boýy, kenara iň ýakyn ýerleşýän ýerler. *Kenarýaka ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň duşuşygy.*

**KENDIR** [kennir], *at.* **1.** Süýümi dokmaçylykda çig mal hökmünde ulanylýan ösümlik. *Kendir ekilen meýdan.* **2**. Şol ösümlik süýüminden işilen ýüp, tanap. *Indi ol aýagy çarykly, başy şypyrmaly, bili kendir guşakly çopan ýok* ("Edebiýat we sungat").

**KENDIRIK** [kennirik], *syp.* Üstünde un elemek, hamyr ýugurmak, öýmek üçin ýörite syk dokalan galyňrak kamys mata. *Nurjahan unaşyny gazanyň içine atansoň, gapagynyň ununy kendiriginiň üstüne kakdy* (B. Kerbabaýew).

**KENDIRIKLIK** [kenniriklik], *at.* Kendirik etmek üçin (ýörite syk dokalan galyňrak kamys mata).

**KENEK,** *at.* **1.** Aşyk oýnunda aşyklara atylyp oýnalýan, jikge tarapy gyrdalyp, agyrlyk üçin gurşun guýlan saldamly aşyk. *Garrynyň bu sözlerine Tahyr gulak salman, aşygyny dikip, elindäki gurşun guýlan kenegini atyp goýberdi* ("Zöhre – Tahyr").

◊ **Kenek ýaly** guýlan ýaly, agrasja, ýeňles däl (çaganyň häsiýeti hakynda).

**KENEP,** *at, ser.* **Kendir.** *Kenep ekilen meýdanlar.*

**KENEPLIK,** *at.* Kenep ekilen ýer. *Keneplik meýdan.*

**KENEŞIR** [keneşi:r], *at.* Agajyň ortasyny oýýan sürgi, rendäniň bir görnüşi.

**KENGURU** [kenğuru:], *at.* Öň aýaklary gysga, art aýaklary uzyn, bökjekläp ýöreýän, Awstraliýada ýaşaýan süýdemdiriji haýwan.

**KENIZ** [keni:z], *at, taryh.* Köşkdäki hyzmatkär gyz. *Hanyň gyzy seýle çykar, Kenizler şadyýan kakar* (Kemine).

**KENIZEK** [keni:zek], *at.* Ýaş keniz, hyzmatkär.

**KENIZLIK** [keni:zlik], *at.* Keniziň ýagdaýy, ýerine ýetirýän işi.

**KENT I**, *at.* Oba. *Bagşy aga, mundan gitseň öňüňden bir gumluk çykar, onuň aňyrsy bir kentdir, kendiň aňyrsy ýene gumlukdyr* ("Nejep oglan").*Bentden-ä, bentden, sesi geler kentden, çünki polatdan, sakgaly etden* (Matal).

**KENT II**, *at, gepl. d.* Şepe, dost.

**KENTLEWÜK** [kentlöwük], *at.* **1**. Agyz boşlugynyň ýokarky ýüzi, digir-digir ýeri. *Käbir sesleriň emele gelmeginde kentlewügiň hyzmaty bardyr.* **2**. Dişiň düýbi. *Näzik eje dişi gaçan kentlewügini görkezip ýylgyrdy-da, oglunyň saçyndan sypalap ýalbarmaga başlady* (B. Öwezow).

**KEPBE,***at.* Ýylgyn, hyşa, gamyş ýaly zatlardan örülip dikeldilýän wagtlaýyn öý. *Ussanyň bu dükany öň daşy suwalan kepbe tamdy* (A. Gowşudow).

**KEPBEGÖWEN** [kepbegöwön], *at.* Baldaklarynda şepbik, sakgyç bolan tikenli ösümlik we ondan alynýan şepbik. *Kepbegöwen sakgyjy.*

**KEPDERI,** *at.* **1.** Alkymy pökgeribräk duran, ýelegi dürli reňkli owadan guş. *Asmanda uçup ýören bir kepderi, garynjanyň bu ýagdaýyny görüp,oňa rehimi inip, kömek etmekçi bolupdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). *Eldeki kepderi. Ýabany kepderi.***2.** Parahatçylygyň nyşanyny görkezýän guş.

**KEPDIRIŞ,** *iş ady.* Kepdirmek ýagdaýy.

**KEPDIRME,** *iş ady.* Kepdirmek ýagdaýy ýa-da kepdirmezlik ýagdaýy.

**KEPDIRMEK,** *işl.* Birneme çalykdyrmak, yzgaryny almak, ölüni, çygyny çekdirmek, kepetmek. *Agşamky gury ýel bolsa ýeriň yzgaryny has hem kepdirdi* (A. Gowşudow).

**KEPDIRMEKLIK,** *iş ady.* Kepdirmek ýagdaýy.

**KEPDIRMEZLIK,** *işl.ady.* Yzgaryny, ölüni, çygyny çalykdyrmazlyk, kepetmezlik.

◊ **Gözüniň ýaşyny kepdirmezlik (kepetmezlik)** hemişe aglamaga mejbur etmek, agladyp ýörmek, aglamjyrap ýormek.

**KEPEK,** *at.* Un elenende galýan ownuk däne gabyklary. *Bu gapdaky näme-de bolsa, suwa gaýnan kepege meňzeş bir zatdy* (A. Gowşudow).

**KEPEME,** *iş ady.* Kepemek ýagdaýy.

**KEPEMEK,** *işl.* **1**. Azda-kände guramak, çalykmak, çygy, yzgary aýrylmak. *Günüň aşagynda kepeýän gök ýorunjanyň bugy we bedäniň ýympyk ysy gatyşyp burnuňa urýardy* (A. Gowşudow). **2**. Yssy howada, köp işläp, gaty ylgap horlananyňda, gyzanyňda we ş.m.ýagdaýlarda suwsuzlykdan agzyň guramak katdyna ýetmek, tebsiremek, ganyň gatamak. *Suwsuzlykdan göni ýanyp, agzy kepäp durdy.*

**KEPEMEKLIK,** *iş ady.* Kepemek ýagdaýy.

**KEPEN I**, *at, ser.* **Köpün**. Adam iň soňky ýoluna ugradylanda dolanýan 12 metrlik biz mata. *Talyby diýr, mähribanym, Kepen boldy geýen donum* (Talyby).

**KEPEN II**, *at.*Hyrlynyň güllesini dolamak üçin ulanylýan içýaga eýlenen biz, ýörite esgi.

**KEPENLIK,** *syp.* Kepen üçin niýetlenen, kepen bolar ýaly ýeterlik möçberdäki ak biz mata. *Kepenlik biz.*

**KEPEŞMEK,** *işl.* Dura-bara çalykmak, kem-kemden guramak, gurap başlamak. *Ýoldaşym kepeşen dodaklaryny ýalaşdyrdy-da, agzyny şapbyldadyp, söze başlady* (T. Gurbanow).

**KEPETMEK,** *işl.* Suwsuzlykdan guramak katdyna ýetirmek, gaty suwsamak. *Jokrap duran yssy gün bolsa dodagyny kepedip, aşgar ýaly ötüp, süýr depäni deşäýjek bolýan ekeni* (N. Pomma).

**KEPEÝIŞ**, *iş ady.* Kepemek ýagdaýy.

**KEPGIR,** *at.* Palawy agdarmak, et gowrulanda garmak üçin we beýleki naharlar bişirlende ulanylýan uzyn saply, el tutulýan ýeri agaçdan, kepjä görä tegelegräk ýa-da süýnmegräk deşik-deşik gural. *Gyzyňy kepgiriň sesi eşidilýän ýere ber* (Atalar sözi).

**KEPIL** [kepi:l], *at.* **1**. Şaýat, güwä. *Onuň dogrulygyna biz kepil geçýäris* ("Edebiýat we sungat").**2.** Biriniň ygtyýaryna bermek.

**KEPILLENDIRMEK** [kepi:llennirmek], *işl.* Bir zada güwä geçmek, şaýatlyk etmek.

**KEPILLIK** [kepi:llik], *at.* **1**. Bir zada şaýatlyk, güwälik. *Meniň birje arzuwym bar, ol-da siz meniň üçin kepillik etseňiz diýýärin!* (B. Gurbanow). **2**. Biriniň ygtyýaryna bermek.*Siz ol ikisini maňa kepillige beräýiň* (B. Seýtäkow).

**KEPILNAMA** [kepi:lna:ma]. *at.* Haýsy-da bolsa bir zada kepil geçýän resmi hat, resminama.

**KEPIR,** *at.* Ýalpak süýji suwlarda ýaşaýan oňurgaly balyk. *Tutýaryn men doky, kepir, köp balyk, Ýurdumyň baýlygy göge galsyn diýp* (Ş. Borjakow).

**KEPIRÇEKGE,** *at.* Kiçi kepir balygy.

**KEPJE,** *at.*Ýeňilräk laý işlerinde, haşal otlary çapmakda, otag otamakda ulanylýan uzyn saply, ýokarsy ýaý şekilli ýeňil piliň bir görnüşi. *Bu kepjeleriň entek ýumruk ýaly demirkä körügiň üstünde lowurdaýşy hem Zynharynyň ýadyndady* ("Edebiýat we sungat").

**KEPJEBAŞ** [kepjevaş], *at, haýwanat d.* Örän zäherli, kellesini galdyranda seslenip çişýän, ýogyn, arkasy menekli awuly gara ýylan. *Adaty kepjebaşlaryň zäher mäzleri gözüniň ýeňsesinde ýerleşendir.*

**KEPIŞ,** *iş ady.* Kepmek ýagdaýy.

**KEPME,** *iş ady.* Kepmek ýagdaýy.

**KEPMEK,** *işl,* **1**. Kepemek, guramak. **2**. Köp aglamakdan gözüň ýaşy kesilmek.*Ýürek sowuk öýde karar tapmady, Ertiri, agşamy gözýaş kepmedi* (A. Kekilow).

**KER,** *syp.* Eşitmekden mahrum; sesi çala eşidýän, gulagy agyr. *Ker bilen hylwat söz gurma, Ýola girme kör biläni* (Magtymguly).

◊ **Depme ker, dürtme ker** düýbünden ses eşitmeýän, asla eşitmeýän ker.

**KERAMAT** [kera:mat], *at.* **1.** Mukaddes güýç, gudrat, halat. *Men indi siziň keramatyňyzyň zorlugyny iki gözüm bilen gördüm* (N. Saryhanow). **2.** Hyýaly güýç, bir zadyň alamaty.

**KERAMATLY** [kera:matly], *syp.* **1**. Mukaddes, halatly, gudratly. **2**. Adatdan daşary güýji bolan.

**KERAMATLYLYK** [kera:matlylyk], *at.* **1**. Mukaddeslik, halatlylyk, gudratlylyk. **2**. Keramaty barlyk, adatdan daşary güýje eýelik.

**KERÇ,** *at.* Käselenen gawunyň, garpyzyň ýa-da böleklenen kädiniň bir bölegi. *Ol adam garpyzyň birini ýaryp, Kelewe bir kerç beripdir* ("Türkmen halk ertekileri").

**KERÇELEME,** *iş ady.* Kerçelemek ýagdaýy.

**KERÇELEMEK,** *işl.* Bir ýan ujundan yzly-yzyna kerçemek, kerçem-kerçem etmek, dogram-dogram etmek.

**KERÇELEMEKLIK,** *iş ady.* Kerçelemek ýagdaýy.

**KERÇELEŞDIRMEK,** *işl.* Bir ýanyndan kerçeläp çykmak, yzly-yzyna kerçelemek, dogramak. *Duza basyljak kelemi kerçeleşdirmek.*

**KERÇELEŞMEK,** *işl.* **1**. Kerçemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde kerçelemek. *Olar mala beriljek paçaklary kerçeleşip otyrlar.*

**KERÇELETMEK,** *işl.* Kerçelemek, dogramak işini birine etdirmek; kerçelemäge mümkinçilik bermek. – *Kaka, palaçlary maňa kerçeledäýsene.*

**KERÇELEÝIŞ**, *iş ady.* Kerçelemek ýagdaýy.

**KERÇELÄBERMEK** [kerçelä:vermek], *işl.* Kerçeläp ugramak, kerçem-kerçem, bölek-bölek, dogram-dogram edibermek. *Gawuny kerçeläberdi.*

**KERÇELMEK,** *işl.* Kerçem-kerçem edilmek, bölek-bölek, dogram-dogram edilmek. *Sogan kerçelipdir.*

**KERÇEM,** *at, ser.* **Kerç**.

**KERÇEME,** *iş ady.* Kerçemek ýagdaýy.

**KERÇEMEK,** *işl.* Oty, ýorunjany maýda-maýda çapmak, kerçem-kerçem etmek. *Bir paltaly girägeden kerçäberjek ýalydy* (A. Nazarow).

*Maldarlar mekgejöwen palajyny kerçeýän kombaýn aldylar.*

**KERÇEMEKLIK,** *iş ady.* Kerçemek ýagdaýy.

**KERÇEMEZLIK**, *işl. Ady.* Kerçemek işini etmezlik.

**KERÇEM-KERÇEM,** *syp.* Dogram-dogram, bölek-bölek.

**KERÇEŞDIRMEK,** *işl.* Bir zady bir ýan ujundan kerçäp, çapyp, bölekläp çykmak, hemmesini kerçemek, dogramak. *Çoluk saljak odunynyň pürlerini palta bilen kerçeşdirip üýşürdi.*

**KERÇEŞMEK,** *işl.* **1**. Kerçemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde kerçemek.

**KERÇETMEK,** *işl., ser.* **Kerçeletmek.**

**KERÇEÝIŞ,** *iş ady.* Kerçemek ýagdaýy.

**KERÇ-KERÇ,** *syp.* Birnäçe bölekden ybarat.

**KERÇLEME** [kerşleme], *iş ady.* Kerçlemek ýagdaýy.

**KERÇLEMEK** [kerşlemek], *işl.* Käselenen, dilimlenen gawuny, garpyzy kerç-kerç edip böleklemek. *Käselenen gawunlary kerçledi.*

**KERÇLEÝIŞ** [kerşleýiş], *iş ady.* Kerçlemek ýagdaýy.

**KEREM I**, *at.* Gezek, sapar, ýola, gaýta, keren. *Ertirden bäri iki-üç kerem duşuşdyk.*

**KEREM II,** *at.* **1**. Rehim, şepagat, merhemet; sahylyk. *Kerem eýlän gamly gula, Derdimiň dermany gyzlar* ("Kasym oglan"). *Ýar, bäri gel kerem birle, Meý bergil jamy-jem birle* (Kätibi). **2**. Oglana dakylýan at.

**KEREMARA,** *hal.* Haýalrak, howlukman hereket etmek. *Ertesi hem keremara oýanyp, daş çykanynda, Bibi ejäniň şindem ýatanyny gördi* (T. Gurbanow).

**KEREMLI,** *syp.* Rehim-şepagatly, merhemetli; sahy. *Keremli dag, gahrymanlaň ýaragy, Seň gudratyň haýrany men, haýrany* (M. Seýidow).

**KEREN,** *at, ser.* **Kerem I**. *Maňa nygtap aýdan atalyk sözi müň keren dogry ekeni* (B. Kerbabaýew).

**KEREP,** *at.* **1**. Möýüň, leňkebudyň we ş.m. saraýan tory. **2**. Üzüme, ýorunja we ş.m. ösümliklere çolaşyp ösýän haşal sary sapak görnüşli zyýanly çyrmaşyk ösümlik. *Üzüme düşen kerep ony bürüp atypdyr.* **3**. Ýata suwuň, suwuklygyň köp durmagyndan onuň ýüzünde emele gelýän zeň pisint gyrpak. *Ýata suwy kerep basypdyr.* **4**. *göç. m.* Bir zada gurulýän duzak, tor, çykgynsyz ýagdaý. *Nadanlyk kerebi adamlary çykgynsyz güne salyp bilýär.*

**KEREPLEME,** *iş ady.* Kereplemek ýagdaýy.

**KEREPLEMEK,** *işl.* **1**. Kerep baglamak, kerep tutmak, kerep bilen örtülmek. *Ol jaýyň burçunyň kereplän ýerlerini sübseledi.* **2**. Kerebe meňzeş sary çyrmaşýan zyýanly ösümlik düşüp kesellemek, kerep bilen örtülmek, kerep düşmek. *Kereplän üzümi saplamak üçin dürli dermanlar sepdiler.* **3**. Ýata suwuň, suwuklygyň ýüzi zeň pisint gyrpak bilen örtülmek, gyrpak emele gelmek. *Kakyň suwy kerepläpdir.*

**KEREPLEMEKLIK,** *iş ady.* Kereplemek ýagdaýy.

**KEREPLEÝIŞ,** *iş ady.* Kereplemek ýagdaýy.

**KEREPLI**, *syp.* Kerebi bar bolan, kerep bilen örtülen, kerep tutan. *Kerepli suw. Kerepli üzüm.*

◊ **Kerepli sakyrtga** ekinlere zyýan beriji sakyrtga.

**KEREPLILIK,** *at.* Kerebi barlyk.

**KEREŞME,** *at.* Näz, näzirgeme, göz süzüp ýylgyryş. *Kereşmedir aşyklaryň hünäri, Golaýyma sen gelmeseň, kim geler* (Mätäji).

**KERGEDEN** [kerğeden], *at, ser.* **Kerk**. *Pilden kergedenden, döwden, periden, Taýpar çekip ýan bermer sen, Orazym!* (Kemine).

**KERK,** *at.* Afrikada we Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýan maňlaýy bir şahly uly haýwan, kergeden. *Pil pişige döner, kerk sesin aňsa* (Mollanepes).

**KERKAW** [kerka:w], *at.* **1**. Dagda gögerýän berk, gaty agaç. **2**. Oglana dakylýan at.

**KERKI,** *at.* **1**. *ser.* **Külüň**. Gural ady. *Dagyň göwsün kerki bilen gazanok, Gyzyl ýüzli, sary murtly ussalar* (B. Hudaýnazarow). **2**. Oglana dakylýan at.

**KERKILEME,** *iş ady.* Kerkilemek ýagdaýy.

**KERKILEMEK,** *işl., ser.* **Külüňlemek**.

**KERKILEMEKLIK,** *iş ady.* Kerkilemek ýagdaýy.

**KERKILEŞMEK,** *işl., ser.* **Külüňleşmek**.

**KERKILETDIRMEK,** *işl., ser.* **Külüňletdirmek**.

**KERKILETMEK**, *işl., ser*. **Külüňletmek**.

**KERKILEÝIŞ,** *iş ady.* Kerkilemek ýagdaýy.

**KERLEÇ,** *syp.* Çala ker, kerräk. *Ol garry kümäniň çykalgasynyň iň soňky basgançagynda hasasyna söýenip durup, töweregine gözi ýetdiginden seretdi hem-de kerleç diň saldy* (N. Saryhanow).

**KERLEW** [kerlöw] *syp., ser.* **Kerrew**. *Bagşy däldi, sazandady, kerlewdi, Zordan eşiderdi çalýan sazyny* (B. Hudaýnazarow).

**KERLIK,** *at.* Gulagy agyrlyk, gowy eşitmezlik. *Ol kerliginden kösenýärdi.*

**KERMEN,** *syp., ser.* **Kerleç**.

**KERNAÝ** [kerna:ý], *at.* **1**. Üflenip çalynýan saz guralynyň bir görnüşi. *Otuz iki sazy gurupdyrlar: kernaý, surnaý, balaman, gyjak, dutar, çiňňerebap we nagara* ("Görogly"). **2**. *gepl.d.* Semawaryň ot çykýan turbasy. *Semawaryň kernaýynyň erňegi içine ýemrilipdir.*

**KERPIÇ,** *at.***1**. Toýun palçykdan ýa-da garylan sementden galyplanyp guýulýan, ini gysga, boýy uzynrak gurluşyk materialy. *Her biri bir gujak inedördül kerpiçler heniz hem bütinleýin dagamadyk Gäwürgalada asmanda seleňleýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *dokm.* Hala, tahýa we ş.m. salynýan on iki burç nagyş.

**KERPIÇÇI** [kerpişşi], *at.* Kerpiç guýýan işçi. *Kerpiççiler jaý gurmak üçin kerpiç guýýardylar.*

**KERPIÇLI** [kerpişli]: **kerpiçli ildirgiç** *zergärç.* aşagy şelpeli, ýokarsy kerpiç-kerpiç şekilli, börüge dakylýan alyn şaý. – *Aýu, kakasy, saňa diýýän, maňa-da bir kerpiçli ildirgiç alyp bersene!* (B. Kerbabaýew). **Kerpiçli maňlaýlyk** *zergärç.*

gelinleriň kümüşden ýasalyp, ýüzüne gyzyl çaýylan, aýna gaşlary oturdylan alyn şaýy.

**KERREW** [kerröw], *syp.* Çala eşidýän, zordan eşidýän, eşidişi çala, kerlew, kerleç. *Gulagy ýok – kerrew, gözi ýok – sokur* (Nakyl).

**KERRI,** *syp.* Kerlewräk, gulagy çüri goýun. *Kerri goýun giç ürker* (Nakyl).

**KERSEN,** *at.* Agaçdan içi köwlüp ýasalan, hamyr ýugrulýan sekirtmeksiz uly gap. *Daşardan uly kersenler bilen nahar çekýärler* (N. Jumaýew*). Tawusyň ejesi ullakan gök syrçaly küýzeden kersene çal guýdy* (N. Baýramow).

**KERSENGÖTI** [kersenğötü], *at.* Üst örtügi güberçek, aşagy tekiz, kiçijik aýakly, tomzaga meňzeşräk mör-möjek. *Haýatyň düýbünden tomzak, eşekýassyk, kersengöti ýaly hapysa jandarlar köp çykýar.*

**KERSENLEMEK,** *işl.* Kerseni dolduryp almak. *Onuň dilen kakyny garry aýaly kersenläp göterip, çöpüň üstünde serýärdi* (B. Kerbabaýew).

**KERSENLEÝIŞ,** *iş ady.* Kersenlemek ýagdaýy.

**KERSIREMEK,** *işl.* Eşitmedik bolan bolmak, eşitmediksiremek, özüňi ker ýaly görkezjek bolmak.

**KERT I**, *at.* Dagyň, suw gazan jaryň we ş.m. gyrasy,erňegi, uçut ýeri.

**KERT II**, *at.* Dik ösýän, ak gülli, ýumşak baldakly ot.

**KERTDIRMEK,** *işl.* Kertmek işini başga birine etdirmek. *Ol taýagyny kertdirip, bellik etdirdi. Ol kendirigini syçana kertdiripdir.*

**KERTIK**, *at, syp.* **1**. Bir zat bilen edilen gädik, kesilip, kertilip edilen kiçijik çapyk. *Aş pyçagyň ýüzi kertikdi.* **2**. Bir zadyň ýüzüne kertilip edilen bellik. *Aý, inim, ony senden gizläp näme edeýin, barmak ýogynlygyndaky taýaga her uly mal üçin bir kertik edýän* (B. Kerbabaýew).

**KERTIK-KERTIK,** *syp.* Bir zadyň ýüzüne köp sanly kertik edilen. *Diňe munuň ak süňkden sapy kertik-kertik edilen çyzykdan doldurylypdyr* (A. Gowşudow).

**KERTIKLI,** *at.* Ýeriň ýüzüne ýazylyp ösýän ysmanaga meňzeş ot.

**KERTILIŞMEK,** *işl.* **1**. Dura-bara iýilmek, az-owlak kertilip başlamak, üzülere gelmek. *Öten ýyl bükdürilen sallançak ýüpüniň agaja saralan ýeri kertilişipdir.* **2**. Uzak durmagy sebäpli epininden gidip ugramak, gyralary kertilip gitmek. *Durdy epinleri kertilişen, hatlary biraz öçüşen, kagyzy saralan gazet bölegini gozgalaň bilen okady* (B. Kerbabaýew).

**KERTILMEK,** *işl.* **1**. Kertik, bellik etmek üçin taýagyň we ş.m. zadyň ýüzi ýiti zat bilen çalaja oýulmak. **2**. Alyn dişleri bilen ýolnup alynmak; üzülmek. *Kendirigiň gyrasyny nämäň kertenini-hä bilemok, özi-hä kertilipdir.* **3**. Bir zadyň yzygiderli degmegi, sürtülmegi netijesinde iýlip (*ser.* **Iýilmek 2** ) ýolunmak; eplenen epininden bölünmek. *Keteni köýnegiň epinleri kertilipdir.*

**KERTIM**, *iş ady*, *at.* Kertilende galýan yz, kertik.

**KERTIM-KERTIM,** *syp.* Köp sanly kertim, kertik-kertik. *Iki ýa üç arka aýlanýan palasyň erňekleri gemrilen bolsa, göwresi çapgy ýassygy ýaly kertim-kertimdi* (B. Kerbabaýew).

**KERTIŞ**, *iş ady.* Kertmek ýagdaýy.

**KERTIŞDIRMEK,** *at.* Kertik-kertik edip çykmak.

**KERTIŞMEK,** *işl.* Kertik etmäge kömekleşmek .

**KERTME,** *iş ady.* Kertmek ýagdaýy.

**KERTMEK,** *işl* **1**. Kertik, bellik etmek üçin taýagyň we ş.m. zadyň ýüzünden ýiti zat bilen çalaja oýmak. **2**. Alyn dişleri bilen ýolup almak, üzmek. *Ol agzyna salan sapagynyň ujuny dişi bilen kertdi.***3**. Bir zat ikinji bir zadyň ýüzünde yz galdyrmak. *Onuň şypyrmasynyň tüýi düşen erňegi maňlaýyny kertýärdi.*

**KERTMEKLIK,** *iş ady.* Kertmek ýagdaýy.

**KERWEN** [kerwön], *at.* **1.** Bir ýerden ikinji ýere ýük äkitmek, argyş etmek üçin biri-biriniň yzyna tirkelen düýeleriň hatary. **2**. *göç.m.* Yzly-yzyna barýan maşynlaryň hatary. *Watan ammarlaryna galla daşaýan maşyn kerwenleri entegem yzy üzülmän gelip dur* ("Türkmenistan"). **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Kerwen çekip gitmek** tirkeşip ötmek, geçmek. *Günler biri-biriniň yzyndan kerwen çekip gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**KERWENBAŞY** [kerwönmaşy], *at.* **1**. Kerweniň başyny çekiji, kerwençileriň ýolbaşçysy. **2**. *göç.m.* Bir hereketiň, tutumyň başyny başlaýjy, öz göreldesine eýerdiji. *Döwürdeş, dünýäniň kerwenbaşy sen, Bak, yzyndan sogup gelýän hatara* (B. Hudaýnazarow).

**KERWENÇI** [kerwönçü], *at.* Kerwene gatnaşýan adam. *Kerwençiler guýyň başynda düşlemekçi boldular* (B. Kerbabaýew).

**KERWENGYRAN** [kerwönğyran] **I,** *at, asman j.* Gün Äleminiň bäşinji we iň uly saýýarasy (Ýupiter planetasy).

**KERWENGYRAN** [kerwönğyran] **II,** *at.* Ýowşana meňzeş we ýazyna-güýzine gülleýän zäherli ösümlik.

**KERWENSARAÝ** [kerwönsaraý], *at.* Kerwene goşulan düýeler hem kerwençiler üçin ýörite salnan jaý, kerwençileriň düşleýän ýeri.

**KES: her kes** her adam, her kişi, her kim. *Içer bolsa her kes şerap, Galarmyş huşdan, dogrusy* (Magtymguly).

**KESANASYNA** [kesa:nasyna]: **kesanasyna tutmak** hak berip, belli bir möhlete çenli işletmek, kireýne tutmak, *Men seniň kesanasyna tutan bagşyňmydym?* ("Görogly").

**KESAPAT** [kesa:pat], *at.* Zyýan, zelel. *Ýaman hatyn başa bir ýaman goňşy, Kesapaty ýeter, mähneti artar* (Aşyky).

**KESATYM,** Sap ýüpekden ýa-da nah gatyşykly ýüpekden tarada dokalýan we aýal köýnekligi üçin ulanylýan matanyň bir görnüşi. *Kesatym matasy erşi gyzyl, argajy gara we gyzyl sapagyň iki gezek çalşyrylyp geçirilmegi bilen dokalýar.*

**KESDIRMEK** [kessirmek], *işl.* **1.** Bitin, bitewi zady ýiti ýarag we ş.m. zat bilen bölmek,

bölekletmek. *Ol gawundan bir dilim kesdirdi-de, dadyp gördi.* **2.** Bir ýaraga teniň bir ýerini dildirmek, ýaralatmak, gyýdyrmak. *Aýna döwügine elimi kesdirdim. Eliňi pyçaga kesdirmek.* **3.***gepl.d.* Mal öldürtmek, soýdurmak. *Ol inisini çagyryp, goýun kesdirdi.* **4.** Tene, bedene ýarag urduryp, operasiýa etdirmek. *Köriçegäni kesdirmeli boldy.* **5**. Gepläp durany sözüni bölmäge mejbur etmek. *Oturanlar onuň sözüni kesdirdi.* **6**. Akyp duran zadyň (suwuň, çägäniň) hereketini saklamak, duruzmak . *Gulakdaky suwy kesdirmek.*

**KESE,** *syp.* **1.** Dik däl, göni, ýanyn. *Ondan soň ol žurnalyň okuwdan galanlary bellige alynýan ýerine galamyny pugta basyp durdy-da, kese çyzyk çyzdy* (N. Saryhanow). *2.* Başga, özge, ýat, del. *Keseden gelen bir maşgala, biz bilen sulhy alyşjakmy-ýokmy, belli däl* (B. Kerbabaýew). **3.** Bir ýeriň gyrasy, çeti, daşy. *Olar Bäherden ili bilen hoşlaşyp, olara hoşwagt günleri arzuw edip, ýoldaşlary bilen bir topar atly bolup, şol tükenmez çölüň kesesinden giripdiler* (N. Pomma).

◊ **Kese agaç 1)** dokma ýüwürdilende daşyndan eriş aýlanýan iki sany kese agaç ýa-da demir. **2)** hatabyň iki tarapyna berkidilýän we çemmer baglanýan agaç, ýanagaç. **Kese çyzyk** ýazuwda uzynja çyzyk görnüşinde goýulýan belgi (–). **Kesede durmak** bir işe garyşman-gatyşman, özüňi saklamak, gyrada durmak. *Bu işde öz bähbidiniň bardygyna garamazdan, ol kesede durdy.* **Kesä çekmek** aýdylan söze göni manysynda däl-de, erbet manysynda düşünmek. *Aýsoltan ejesiniň pikirine keçje düşünmese-de, ony synap görmek üçin, onuň sözüni kesä çekdi* (B. Kerbabaýew).

**KESEJE**, *at.*Eşegiň gaňňasy öňe süýşmezlik üçin, art aýaklarynyň ýokary başyna berkidilýän agaçjyk. *Emma kesejeli gaňňa Çerkezi howatyrsyz, howpsuz ynjytman saklaýardy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýüzüni eşegiň kesejesi ýaly etmek** öýkeli şekilde ýüzüni sowmak.

**KESEK,** *at.* Topragyň kiçiräk tokga bölegi. *Çapar onuň gapdalyndaky ullakan kesegiň üstünde jaýlaşyp oturandan soň, oňa şeýle jogap berýär* (B. Seýtäkow).

◊ **Kesek atmak** birine şyltak atmak, ýamanlyk etmek. *Rehimsiz zalymlar bagry daş bolar, Barar ýere kesek atyjy bolma* (Magtymguly). **Kesek ýeter aralyk** zyňlan kesek ýeter ýaly aralyk, daşlyk; ýakyn aralyk.

**KESEKI,** *at.* **1**. Ýat, bigäne, nätanyş, del. *Tagan sesini çykarman otyrdy, daşyndan göräýmäge ol keseki adam ýalydy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Özüňden başga biri, özge. *Kesekiniň zadyna göz gyzdyrmak gabahatdyr.*

**KESEKLEME,** *iş ady.* Keseklemek ýagdaýy.

**KESEKLEMEK,** *işl.* Birine ýa-da bir zada kesek atmak, kesek zyňmak, kesek salmak.

**KESEKLEMEKLIK,** *iş ady.* Keseklemek ýagdaýy.

**KESEKLEMEZLIK,** *iş ady.* Birine ýa-da bir zada kesek atmazlyk, kesek zyňmazlyk.

**KESEKLENMEK,** *işl.* Birine ýa-da bir zada kesek atylmak, kesek zyňylmak. *Gelnalyja gatnaşan atlylar keseklendi.*

**KESEKLEŞMEK,** *işl.* **1.** Biri-biriňi keseklemek. *Çagajyklar iki topara bölünip, ondan-oňa bukulyşyp kesekleşýärdiler.* **2**. Bilelikde keseklemek. *Oglanlar ekine giren düýeleri kesekleşip duran ekenler*.

**KESEKLETMEK,** *işl.* Birine ýa-da bir zada kesek atdyrmak, kesek zyňdyrmak.

**KESEKLEÝIŞ,** *iş ady.* Keseklemek ýagdaýy.

**KESEL,** *at.* **1**. Adam agzalarynda ýa-da haýwanda, ösümliklerde döreýän näsazlyk, dert. *Öýken keseli bilen kesellän adam güýçli üsgürmäni çykarýar* ("Türkmenistan"). **2**. *gepl. d.* Keselli, näsag, syrkaw, nähoş. *Ol kesel halyna näme üçin geldikä?* (B. Seýtäkow).

◊ **Kesel bolmak** bir zat ýoň bolmak, ýörelgä öwrülmek, nysak bolmak (şeýlebir halanmaýan täzelik hakynda). *Soňky döwürde gelnalyja gidýän maşynlaryň sanyny köp etmek kesel bolupdyr.*

**KESELBENT** [keselvent], *syp.* Keselden açylman ýören, kesel büren, keselli.

**KESELBENTLIK** [keselventlik], *at.* Keselbent halda bolmaklyk, keselden açylman ýörmeklik, kesellilik, sagat dällik.

**KESELÇILIK,** *at.* Keselli ýagdaýynda bolmaklyk; syrkawçylyk. *Emma keselçilik horlaýar* (B. Seýtäkow).

**KESELEÝIN**, *syp.*, *ser.* **Keseligine**. *Üç sany agaç gerekdi: iki agajy ýanaşyk dikmelidi, birini-de olaryň üstüne keseleýin atmalydy* (G. Kulyýew).

**KESELIGINE** [keseliğne] *hal.* Keseleýin, ýanynlygyna, gytaklaýyn, gyýa. *Bassyrmanyň gap bilinden keseligine togalak agaçlar goýlupdyr.*

**KESELLEME**, *iş ady.* Kesellemek ýagdaýy.

**KESELLEMEK**, *işl.* Kesel degmek, kesel ýolukmak,syrkawlamak, nähoşlamak, näsaglamak, .

**KESELLEMEKLIK**, *iş ady.* Kesellemek ýagdaýy.

**KESELLEMEZLIK**, *iş ady.* Kesel degmezlik, kesel ýolukmazlyk, kesele uçramazlyk.

**KESELLETMEK,** *işl.* **1.** Kesel ýokuşdyrmak, keselli etmek. *Mör-möjek diýdi, ilki ota düşdi, soňam gowaça düşüp, onam keselletdi.* **2.** *göç.m.* Bir zat diýip, biriniň ýüregine düşmek, irizmek, bizar etmek, igletmek. *Eden işim janyna ýaramady, iňňildäp, iňirdäp, halys keselletdi.*

**KESELLEÝIŞ,** *iş ady.* Kesellemek ýagdaýy.

**KESELLI,** *syp.* Kesel ýolugan, näsaglan, syrkaw, hassa. *Her bir kesellä gowy seretmeklik lukman üçin kanundyr.*

**KESELLILIK,** *at.* Keseli barlyk, keselli ýagdaýynda bolmaklyk, näsaglyk, hassalyk. *Uzak kesellilik ony halys tapdan düşüripdi.*

**KESEMEN: kesemen çörek** çöregiň ep-esli bölegi, ýartydan azrak, uly döwüm çörek. *Bir gezek men elim bir kesemen çörekli Nurulara ylgap gitdim* (T. Gurbanow).

**KESER,** *at.* **1**. Haly dokalanda her bir çitimden soň artyk ýüpi kesmek üçin gural. *Artele baranymda*

*boş barmazlyk üçin, günortana çenli birnäçe keser ýasaýyn* (A. Durdyýew). **2.** Egdi. *Ýiti keser.*

◊ **Keseri ýok** bir iş edende başarjaňlygy ýok, emelsiz; geplände ýitiligi, ötgürligi ýok. *Ol bir zat etmeli diýjek bolanda-da hynny-mynny edip dur, hiç keseri ýok.*

**KESERILMEK,** *işl.* **1.** Keserip, gyşaryp ýatmak. *Ol keserilip, ýassygy tirsekledi.* **2.** *gepl. d.* Öýkeli, kineli ýaly gyşarylmak.

**KESERME,** *iş ady.* Kesermek ýagdaýy.

**KESERMEK,** *işl.* **1.** Kese ýatmak ýa-da durmak, kese görnüşde bolmak. *Keserip ýatan gara daglar dumanlap görünýärdi* (B. Gulow). **2.** Gyşarmak, bir zady tirsekläp kese, ýanyn ýagdaýda ýatmak, süýnmek. *Kuly öýlänler tamyň kölegesinde ýazylgy düşegiň üstünde keserip, tirsegini ýassyga diräp, Ogulbike bilen çaý içýärdi* (A. Durdyýew).

**KESERMEKLIK,** *iş ady.* Kesermek ýagdaýy.

**KESERTMEK,** *işl.* **1.** Kese goýmak ýa-da kese ýatyrmak. *Ol her toparyň öňüne geçip, ýabysyny keserdip durdy...* (B. Kerbabaýew). **2.** Bir ýana sowmak, kesä bakmak (ýüz hakynda). *– Şu zatlara-da düşünip, biraz pikir etmek gerek! – diýip, ýüzüni keserdip oturdy* (H. Derýaýew).

◊ **Keserdip goýmak** bir meseläni, sowaly biriniň öňünde anyk, göni goýmak.

**KESESINDEN** [kesesinnen], *hal.* Ýanyndan däl-de, ep-esli aradaşlykda, daşyndan, gapdalyndan. *Men onuň bilen ýüzbe-ýüz bolan adam-a däl, bir mahallar kesesinden-ä bir görüpdim.*

**KESEWI,** [kesöwü], *at.* Tamdyrda, ojakda we ş.m. ýerlerde ot gorsalýan, ölçerilýän agaç ýa-da agaç saply demir. *Tamdyryň goruny kesewi bilen biraz garyşdyran ejem birden dikeldi* (H. Garabaýew).

◊ **Kesewi ýaly** inçeden uzyn hem gara (el, aýak hakynda). **Kesewisi gögermek** işi rowaçlanmak, bagty getirmek, arzuwy hasyl bolmak.

**KESGIÇ,** [kesğiç], *at.* Demir we ş.m. kesmek üçin polat gural.

**KESGIN,** [kesğin], *syp.* **1.** Pert, çürt-ýoluk, gümmi-sümmüsiz, göni, gutarnykly. *Mesele şeýle kesgin goýlupdy* (A. Nazarow). *Şirin kesgin jogap berdi* (B. Pürliýew). **2**. Çapgyn, içiňden geçip barýan, ýalap geçýän. *Gündogardan kesgin sowuk şemal öwsüp başlady.*

**KESGIN-KESGIN** [kesğin-kesğin], *syp.* Biri-biri bilen sepleşip, kesişip, utgaşyp gidýän ýollar, baýyrlar, daglar we ş.m. *Kesgin-kesgin ýoluň geçer* (Magtymguly).

**KESGIR** [kesğir], *syp.* **1.** Gaty ýiti, ýalaw ýaly, ötgür. *Ol öz agtygyna mert adamlar, kesgir gylyçlar hakda gürrüň bererdi* (B. Seýtäkow). **2.** *göç.m.* Berk täsir edýän, ötgür, ýiti (söz hakynda). *Kesgir sözli bolmak.*

**KESGIRLIK** [kesğirlik], *at.* **1.** Ötgürlik, ýalaw ýalylyk, ýitilik. *Gylyjyň kesgirligine haýran galdylar.* **2.** *göç. m.* Ýitilik, täsirlilik. *Ol öz sözüniň kesgirligine ynanýardy.*

**KESGIT** [kesğit], *at.* Anyk çözgüt, anyk netije. *Ýalandygynyň, dogrudygynyň kesgidini bize goýuň.*

**KESGITLEME** [kesğitleme/kesği:tleme], **1.** *iş ady.* Kesgitlemek ýagdaýy. **2.** Bir waka, hadysa we ş.m. gysgaça berilýän takyk düşündiriş, gelnen netije; kada.

**KESGITLEMEK** [kesğitlemek/kesği:tlemek], *işl.* **1.** Bir zady anyklamak, takyklamak; netijä gelmek. **2.** Çözmek, çözgüdini bermek, aýgydyny belli etmek. *Iki sany möhüm işiň ykbalyny kesgitleýän mesele orta çykdy-da duruberdi, şonuň üçin-de maslahat uzaga çekdi.*

**KESGITLEMEKLIK** [kesğitlemeklik / kesği:tle-meklik], *iş ady.* Kesgitlemek ýagdaýy.

**KESGITLENMEK** [kesğitlenmek / kesği:tlenmek], *işl.* Anyklanmak, takyklanmak, belli bir netijä gelinmek.

**KESGITLETMEK** [kesğitletmek / kesği:tletmek], *işl.* Başga birine anyklatmak, takyklatmak. *Suwuň düzümini kesgitletmek. Nebitiň düzümini kesgitletmek.*

**KESGITLEÝIŞ** [kesğitleýiş / kesği:tleýiş], *iş ady.* Kesgitlemek ýagdaýy.

**KESGITLEÝJI** [kesğitleýji / kesği:tleýji], *syp.***1.** Bir zadyň mukdaryny, möçberini, düzümini we ş.m. anyklaýjy, takyklaýjy. **2.** Esasy, çözüji, aýgytlaýjy. *Ýygnagyň kesgitleýji karary.*

**KESGITLI** [kesğitli/ kesği:tli], *syp.* Anyk, açyk, belli: çürt-kesik, çürt-ýoluk, gutarnykly. *Ol maňa kesgitli bir zat aýtmady.*

**KESGITLILIK** [kesğitlilik / kesği:tlilik], *at.* Anyklyk, açyklyk, aýgytlylyk, gutarnyklylyk. *Sazanda soňky sözüni örän kesgitlilik bilen aýtdy-da, geýinmäge durdy we nirä ýör diýilse gidibermäge taýýar boldy-da, dutaryny ýeňillik bilen çalmaga oturdy* (N. Saryhanow).

**KESIK,** *at.* **1**. Bir zat bilen kesilen, bitewi däl, bölek. *Kesik agaç. Kesik ýüp.***2**. Bir zat bilen kesilip, ýonulyp edilen bellik. *Onuň sapynda kesik bolmalydyr.*

**KESIK-KESIK,** *syp.***1**. Bölek-bölek, üzük-ýoluk. *Kesik-kesik ýüp.***2**. Çapyk-çapyk, kesigi köp.

**KESIKLIK,***at.* Ýoluklyk, üzüklik, bitewi dällik. *Ýüpüň kesikligi.*

**KESILIŞ,** *iş ady.* Kesilmek ýagdaýy.

**KESILME,** *iş ady.* Kesilmek ýagdaýy.

**KESILMEK**, *işl.* **1**. Bitewi zadyň ýiti enjam bilen bölünişi, bölünip aýrylmagy. *Hudaýýoly paýlanjak çörekler derrew kesilip taýyn edildi.* **2**. Gerekmejegi ýiti enjam bilen çapylyp, çyrpylyp aýrylmak, pudalmak. *Kesilen çybyklary bogmak. Üzümler kesilip bolundy.* **3**. *gepl.d.* Janly soýulmak (goýun-guzy we ş.m. hakynda). **4**. Tene ýarag urlup kesel bejerilmek, operasiýa edilmek. **5**. Teniniň bir ýeri gyýylmak, tyg ýarasy düşmek. *Men elimiň nädip kesilenini hem bilmän galdym.* **6**. Zaýalanmak, çüýremek. *Gatyk basyrylan süýt kesilipdir.* **7**. Haýsydyr bir gymyldy-hereketiň (gatnaw, gatnaşyk, baryş-geliş, salamlaşmak we ş.m.) bes edilmegi. *Olaryň gatnawy kesilen eken*. **8**. Bir zadyň sesiniň eşidilmesi galmak, sem bolmak. *Aýdym sesi birdenka kesildi* (B. Kerbabaýew). *Agy sesi kesildi.* **9**.

Haýsydyr bir zatdan mahrum edilmek; mahrum bolmak. *Goýunlaryň gök otdan kesilenine ep-esli wagt bolan bolsa gerek. Agyr hassa iýmek-içmekden kesilipdir.* **10**. Dokalyp gutarylmak. *Dokalyp kesilen halylaryň sany bir çene ýetendir. Dokan dokmamyzyň kesileni ýaňy dälmi näme?* **11**. Bölunmek, çäk goýulmak, serhet çekilmek.

**KESILMEKLIK**, *iş ady.* Kesilmek ýagdaýy. .

**KESIM**, *at.* **1**. Bir zadyň bölegi, dilim. *Bir kesim gawun.* **2**. *mat.* Göni çyzykda A we B iki nokadyň arasynda ýerleşip, şolary hem öz içine alýan nokatlaryň köplügi.

**KESIM-KESIM**, *syp.* Birnäçe kesimden durýan, bölek-bölek, kesik-kesik, dilim-dilim.

**KESINDI** [kesinni] **I**, *at.* **1**. Bitewi zadyň kesilip aýrylan bölegi, gyrkyndy, gyýkyndy. *Mata kesindisi. Demir kesindisi.* **2**. Tarada dokalan mata kesilenden soň galýan we syk dokaljak matanyň erşine ulamak üçin galyndy. *Kesindiniň ujuna täze erşi uladylar we täze dokma ýüwürtdiler.*

**KESINDI** [kesinni], *at.* Ojakda ujy ýanyp duran agaç bölegi, ujy otly uly taýak.

**KESIP-BIÇMEK,** *işl.* **1**. Kesmek, biçmek. **2**. *göç.m.* Bir zady ýerine ýetirmek üçin köp pikir etmek, anygyna ýetmek.

**KESIR I,** *syp.* Diňe öz diýenini bilýän, kejeňek, il maslahatyny unamaýan, keçjal, kejir. *Özüne göwni ýetýänje, kesirje bir oglan Myradyň gaňryşyna gaýdyp, onuň sözlerini ýaňsa alýar* (B. Kerbabaýew).

**KESIR II,** *at, mat.* Birlik sanyň böleklerinden emele gelýän san.

**KESIRLIK,** *at.* Öz diýenini edijilik, kejeňeklik, il maslahatyna gitmezlik.

**KESIŞ,** *iş ady.* Kesmek ýagdaýy.

**KESIŞDIRMEK,** *işl.* Kesim-kesim edip çykmak, baryny kesip çykmak, bölek-bölek edişdirmek; dograşdyrmak. *Ol aşhanada käşirleri kesişdirdi.*

**KESIŞMEK,** *işl.* **1.** Kesmäge, kesip aýyrmaga, böleklemäge kömekleşmek. *Agaç kesişmek. Pişme kesişmek.* **2**. Bilelikde kesmek. *Ussalar agaç kesişip dur.* **3**. Biri-biriniň üstüni kesip geçmek, çatryk, atanak emele gelmek. *Olar ýollaryň kesişýän ýerinde duşuşdylar.*

**KES-KELLÄM** [kes-kellä:m], *syp.* Düýpden, asla, bütinleýin, çürt-kesik. *Gylyç bir ýana eňňit edenden soň, ony kes-kelläm gaýtaryp bolmaýany onuň gözüniň öňüne geldi* (B. Kerbabaýew).

**KESME**, **1**. *iş ady.* Kesmek ýagdaýy. **2**. *at.* Inçeden uzyn ýaprakly, süle görnüşli däneleýän ösümlik.

**KESMEK I**, *işl.* **1**. Bitewi zady ýiti ýarag bilen bölüp almak, böleklemek. *Çorek kesmek.* **2**. Gerekmejek çybyklary we ş.m. çyrpyp, çapyp aýyrmak, pudamak. *Diňe düýn, ol tut kesip duran wagty gapdalyndaky ýol bilen geçip gidipdirler* (A. Gowşudow). *Üzüm kesmek.* **3**. *gepl.d.* Janly soýmak (goýun-guzy we ş.m. hakynda). **4**. Tene ýarag urup bejermek, operasiýa etmek. *Köriçegäni kesmek.* **5**. Bir zady gyýmak, dilmek, ýaralamak. *Onuň elini aýna kesipdir.* **6**. Zaýalamak, çüýretmek. *Hapa degen tabak süýdi kesipdir.* **7**. Haýsydyr bir hereketi (gatnawy, gatnaşygy, baryş-gelşi, salamlaşmagy we ş.m.) bes etmek. *Şondan soň Baba aga köp wagtlap Berdilere gelmesini kesdi* (N. Esenmyradow). *Ol biz bilen baryş-gelşini bireýýäm kesdi. Soňky döwürde ol menden salamyny kesdi.* **8**. Haýsydyr bir zatdan mahrum etmek. *Mallary otdan kesmek. Çörekden kesmek.* **9**. Dokap gutardym edip aýyrmak. *Dokmany kesmek.* **10**. Bölmek, çäk goýmak, serhet çekmek. **11**. *Kesmek* kömekçi işliginden öň *baha, nyrh* ýaly sözler gelip, düzümli işlikler ýasalýar: **Baha kesmek** bahasyny aýtmak, bahalamak; bahasyny bellemek. **Nyrh kesmek** nyrhyny bellemek, nyrhyny kesgitlemek.

**KESMEK II,** *at.* **1.** Süýt, palaw we ş.m. bişirilende, gazanyň düýbünde galýan gatlak, ýanyk. *Palawyň kesmegi.* **2.** Ýaranyň ýüzünde emele gelýän gaty gatlak. *Ýaranyň kesmegini sypjyrmak.*

**KESMEKLEMEK,** *işl.* **1.** Süýt, palaw we ş.m. bişirilende gazanyň düýbünde kesmek emele gelmek. *Palaw bişirilen gazanyň düýbi kesmekläpdir.* **2.** Ýaranyň we ş.m. ýüzünde gaty gatlak, kesmek emele gelmek. *Ýaraň basym gutulsa gerek, ýüzi kesmekläpdir.*

**KESMEKLETMEK,** *işl.* **1.** Gazanyň düýbünde kesmek emele getirmek. *"Emelsiz gelin gazanynyň düýbüni kesmekleder" diýip, gaýyn enesi hüňürdeýärdi.* **2.** Ýaranyň we ş.m. ýüzünde gaty gatlak emele getirtmek. *Sen ýaraňy kesmekledipsiň!*

**KESMEKLIK,** *iş ady.* Kesmek ýagdaýy.

**KESMIK,** *at.* Gaçak malyň boýnundan öň aýaklarynyň arasyna girip, ony saklamak üçin asylýan agaç. *Kesmikden boşadylan mähnet sary sygryň gaba ýelni satanynyň arasyna sygmaýşy ýaly, öýkeli ýaly göwünsiz gadam urup barýardy* (B. Kerbabaýew).

**KESP,** *at.* Adamyň käri, hünäri, kesp-kär. *Ata kesbi ogla halal* (Nakyl).

**KESP-KÄR** [kesip-kä:r], *at.* **1.** Meşgullanylýan iş, kär, hünär. *Ana, onuňam kesbi-käri çopançylykdy* (A. Nazarow). **2.** *göç. m.* Edähet, ýörelge; gylyk-häsiýet. *Ömürboýy bu garryň kesbi-käri şeýledi, Gyzy bolan ýaş enä nazaryny aýlady* (M. Seýidow).

**KEST** [kes(s)]**: kestiň ýetmek** zyýanyň, zeleliň ýetmek. *Çagalara bir kestim ýetmesin!* (N. Hojageldiýew).

**KEŞ I,** *at.* Hatar ekilen gowaça we ş.m. ekinleriň arasyndaky joýa; ýer sürlende azalyň geçip giden yzy.

**KEŞ II,** Käbir sözüň soňuna goşulyp, goşulan sözüniň manysy bilen baglylykda kär aňladýan söz ýasaýjy goşulma. *Meselem: arabakeş, düýekeş, çilimkeş, peýdakeş we* ş.m.

**KEŞARA** [keşa:ra], *at.* Iki keşiň arasy, keşleriň aralygy. *Gowaça meýdanlaryny keşme-keş däl-de, diňe keşara suwarmagy dowam etdirýärler.*

**KEŞAŞA** [keşa:şa], *at.* Bir keş aşyryp, başaşa keş. *Keşaşa suwarmak.*

**KEŞDE,** *at.* Owunjak sanjylýan sanjym görnüşinde salnan nagyş. *Saçy täze syrylan kellesinde*

*yz goýup giden keşdesi iri gaýalan tahýasyny gozgady* (N. Baýramow).

◊ **Keşde çekmek** keşdeläp nagyş etmek, bir zada keşde salmak. *Näzik onuň-munuň halysyny dokap, gaýmasyny gaýap, keşdesini çekip, el hünäri bilen hyzmat edýärdi* (A. Gowşudow). **Keşde iňňe** keşde çekmek üçin inçejik we gysga iňňe. *Biri keşde iňňe alyp, ýüregime çalaja sançýan ýaly* ("Edebiýat we sungat"). **Keşde sapak** her dinine aýratynlykda tow berlip işilen sapak. *Gözel keşde sapagyny taýynlap goýdy.*

**KEŞDEÇI,** *at.* Keşde çekmegi başarýan, keşde etmäge ökde, keşdeçilik bilen meşgullanýan gelin-gyz. *Keşdeçi gyzlar.*

**KEŞDEÇILIK,** *at.* Keşde çekmek, nagyş sungaty bilen meşgullanmaklyk. *Biziň halkymyzyň aýdym-saz, keşdeçilik sungaty asyrlardan bäri belli.*

**KEŞDELEME,** *iş ady.* Keşdelemek ýagdaýy.

**KEŞDELEMEK,** *işl.* Keşde bilen nagyş salmak. bejergi etmek, keşde çekmek.

**KEŞDELEMEKLIK,** *iş ady.* Keşdelemek ýagdaýy.

**KEŞDELENMEK,** Keşde çekilmek, keşde bilen bezelmek. *Bezemen geýnipdi, egninde täzeje gyrmyzy don, ýakasy nepis keşdelenen ýüpek köýnek, başynda silkme telpek, aýagynda gonjy lowurdap duran gara ädik bardy* (G. Kulyýew).

**KEŞDELEŞDIRMEK,** *işl.* Keşdeläp çykmak, keşde salyşdyrmak.

**KEŞDELEŞMEK,** *işl.* **1.** Keşde çekişmek, keşde salmaga kömekleşmek. **2.** Bilelikde keşdelemek. *Gelinler köýnek ýakalaryny keşdeleşip otyrdylar.*

**KEŞDELETMEK,** *işl.* Keşdelemek işini başga birine etdirmek. *Aýna köýneginiň ýakasyny gelnejesine keşdeledipdir.*

**KEŞDELEÝIŞ,** *iş ady.* Keşdelemek ýagdaýy.

**KEŞDELIK,** *at.* Keşde çekmäge ýaramly, keşde üçin niýetlenen (keteni hakynda). *Şu tüýs keşdelik keteni bolmaly.*

**KEŞDI,** *at, kön. s.* Gämi, gaýyk. *Ýigitlik paslyny gyşa ýetirdim, Kämillik keşdisin derýa batyrdym* (Magtymguly).

**KEŞER,** *at, gepl. d.* Ikiýaşar erkek düýe.

**KEŞIK I,** *at.* Biri ýa-da özüň üçin edilýän aladalaryň, hysyrdylaryň tutuşlygyna hemmesi. *Ene agyr keşikden basylmady.*

◊ **Keşigini çekmek** ahli hyzmatyny etmek, bar ýüküni öz gerdeniňde götermek. *Maşgalanyň keşigini çekmek.*

**KEŞIK II,** *at.* Erkegiň (düýäniň) goltugynda sürülmeden emele gelýän ýara (öň aýagynyň iç ýüzi döşüni sürtýär).

**KEŞLEME,** *iş ady.* Keşlemek ýagdaýy.

**KEŞLEMEK,** *işl.* Keş çekmek, joýa gazmak, suwarmak üçin joýalap çykmak. *Kelem ekiljek ýerleri keşläp ýören adamlar görünýärdi. Gowaça ýerini keşlemek.*

**KEŞLEMEKLIK,** *iş ady.* Keşlemek ýagdaýy.

**KEŞLENMEK,** *işl.* Keş, joýa çekilmek, gazylmak. *Käşir ekiljek ýerler keşlenipdir.*

**KEŞLEŞDIRMEK,** *işl.* Keşläp çykmak,bir ýanyndan keşläp başlamak. *Ol gök ekin ýerlerini keşleşdirip ýördi.*

**KEŞLEŞMEK,** *işl.* Keş çekmäge kömekleşmek.

**KEŞLETDIRMEK,** *işl.* Ekin ýerlerine keş çekdirtmek.

**KEŞLETMEK,** *işl.* Keşlemek işini başga birine etdirmek, ekin ýerlerine keş çekdirmek.

**KEŞLEÝIN,** *hal.* Keşler boýunça, keşläp, her keşe aýry-aýrylykda. *Gowaçalar keşleýin suwarylýar.*

**KEŞP,** *at.* **1.** Biriniň ýüzüniň görnüşi, ýüz sypaty. **2.** Biriniň ýa-da bir ýeriň daş görnüşi, şekili. *Ýurdumyzyň keşbi görülmedik derejede özgerýär* ("Watan").

**KEŞT I: keşt eýlemek:** aýlanmak, görmek, gezmek, gezelenç etmek. *Keşt eýledim, gezdim yşkyň dagyndan, Ne beladyr, kimse çeker bu derdi?* (Magtymguly).

**KEŞT II: keştiň çekmek (almak)** işdäň almak, bir zat etmäge isleg döremek. *Keşdiň çekýän zat.*

**KET,** *at, gepl. d.* Üstünde ýatmak üçinýasalýan uly agaç desga, enjam.

**KETDE,** *syp., gepl. d.* **1**. Uly, beýik. **2.** Uly wezipeli (adam).

**KETDELIK,** *at, gepl. d..* **1.** Ululyk, beýiklik. **2.** Ýokary wezipelilik, uly işde işlemeklik. *Onuň ogly ketdelige ýetişipdir diýýärler.*

**KETEK,** *at.* **1.** Guş, towşan we ş.m. jandarlar üçin ýörite salnan kiçijik jaý. **2.** *gepl. d.* Çalamydar salnan jaý, kiçiräk sümelge, küme, jaýjagaz. *Duşman bolsa indi ketegine sümüldi* ("Görogly").

**KETEN,** *at.* Yzgar geçirmeýän galyň, syk dokalan mata. *Keten ädik.*

**KETENI,** *at.* Aýal köýnekligi üçin tarada dokalýan gyrasaryly ýüpek mata. *Keteni köýnek onuň ýüzüni öňküsinden bir hili agrak, peşeneliräk edip görkezdi* (B. Pürliýew).

**KETEW** [ketöw], *at.* Ýabynyň, eşegiň bogaz we burun boşlugynda emele gelýän kesel.

**KETEWLEME** [ketöwlömö], *iş ady.* Ketewlemek ýagdaýy.

**KETEWLEMEK** [ketöwlömök], *işl.* Ketew keseli degmek, ketew keseli bilen kesellemek. *Demini iki temeginden goýberip, ketewlän at kimin horguryp, iki burnuny arçaýardy* ("Edebiýat we sungat").

**KETEWLEMEKLIK** [ketöwlömöklük], *iş ady.* Ketewlemek ýagdaýy.

**KETEWLEMEZLIK** [ketöwlömözlük], *iş ady.* Ketew keseli degmezlik.

**KETEWLEÝIŞ** [ketöwlöýüş], *iş ady.* Ketewlemek ýagdaýy.

**KETGEN,** *at, ser.* **Ketigen.** *Oglanlar ketgeniň köp biten ýerine düýelerini sürdüler.*

**KETHUDA** [kethuda:], *at.* Baştutan, ýaşuly, geňeş-maslahat beriji, birnäçe adamyň aksakaly.

**KETHUDALYK** [kethuda:lyk], *at.* Baştutanlyk, ýaşululyk, aksakgallyk. *Kethudalyk endişesin, Kylaýyn diýseň, öýlengin* (Magtymguly).

**KETIGEN** [ketiğen], *at.* Topbak ösýän, ýapragy kiçijik, ownuk tikenli, baldaklary ýumşak ot. *Ol ýerde gyrtyç, ketigen ýaly otlar bardy.*

**KETIGENLIK** [ketiğenlik], *at.* Ketigeniň köp biten ýeri.

**KEÝE,** *at.* Arabanyň tigriniň daşky aýlawy bilen topuny-güpjegini birleşdirýän agaçlar.

◊ **Keýe derek** deregiň töweregine şaha ýaýradyp ösýän görnüşi.

**KEÝERILMEK,** *işl.* Üşerilip töwerek-daşyňa garamak. *Owlak keýerildi-de, bir gapdala towsup gitdi.*

**KEÝERIŞMEK,** *işl.* Birnäçe bolup töwerek-daşyňa seretmek, üşermek. *Geçidir owlaklar keýerişip durdular.*

**KEÝERJEKLEME,** *iş ady.* Keýerjeklemek ýagdaýy.

**KEÝERJEKLEMEK,** *işl.* Bir zatdan howatyr edip ýa-da geň galyp garanjaklamak, gulaklaryňy gerip üşerilmek (adam we mal hakynda). *Ol edil maral owlagy ýaly keýerjekläp durdy* (B. Seýtäkow). *Yzy owlakly boz jereniň kenarda keýerjekläp duranyny görende kim guwanmajak?!* ("Edebiýat we sungat").

**KEÝERJEKLEMEKLIK,** *iş ady.* Keýerjeklemek ýagdaýy.

**KEÝERJEKLEŞMEK,** *işl.* Köpçülikleýin keýerjeklemek, birnäçe bolup keýerjeklemek. *Olar keýerjekleşip diň salanlarynda, şonuň ýaly şytyrdy günbatardan hem eşidildi* (B. Kerbabaýew). *Olar esgerleri gören batlaryna bolsa bir ýere üýşüp keýerjekleşdi* (A. Nazarow).

**KEÝERJEKLETDIRMEK,** *işl.* Keýerjeklemek derejesine ýetirtmek.

**KEÝERJEKLETMEK,** *işl.* Keýerjekläp duran ýagdaýda bolmak. *At gulagyny keýerjekletdi.*

**KEÝERJEKLEÝIŞ,***iş ady.* Keýerjeklemek ýagdaýy.

**KEÝERJEKLÄBERMEK** [keýerjeklä:vermek], *işl.* Keýerjekläp ugramak.

**KEÝERIŞ,** *iş ady.* Keýermek ýagdaýy.

**KEÝERME,** *iş ady.* Keýermek ýagdaýy.

**KEÝERMEK,** *işl.* Üşerilip garanjaklamak, haýran galyp üşerilmek (adam we keýik, owlak we ş.m. haýwan hakynda). *Ol keýerip, töweregine garanjaklady* ("Edebiýat we sungat").

**KEÝERMEKLIK,** *iş ady.* Keýermek ýagdaýy.

**KEÝERTMEK,** *işl.* Gulagyňy üşertmek, bir sebäbe görä gulagyňy gabartmak. *Şol tarapa bakan gulaklaryny keýerdip seretdi.Gara ýylan kellesini keýerdip, uzyn dilini ýalmandyryp barýar* (B. Kerbabaýew).

**KEÝFUT** [keýfu:t], *at.* Nawda ýaşalýan otag. *Keýfutda ukym tutmaýar* (Balgyzyl). *Ýolagçylar keýfutda ýerleşdiler.*

**KEÝGIM** [keýğim], *giriş s., gepl. d.* Ulular tarapyndan ýaşy kiçi aýal-gyzlara ýüzlenilip aýdylýan söz. *Wah, keýgim, men hem siziň ýaly işli adam* (A. Durdyýew). *Maral, keýgim, käýinme!* ("Edebiyat we sungat").

**KEÝIGALMA** [keýiğalma], *at, ösüml.d.* Daglyk ýerlerde bitýän inçe ýaprakly, ownuk alma getirýän agaç.

**KEÝIGOKARA** [keýiğokoro], *at, ösüml.d.* Baldaklarynyň bognundan okara görnüşinde ýaprak çykarýan uzyn boýly dag, çöl ösümligi.

**KEÝIGOTY** [keýiğoty], *at, ösüml.d.* Ýere ýazylyp ösýän owunjak ýaprakly dermanlyk ot.

**KEÝIK,** *at.* **1.** Çölde we dagda ýaşaýan süýdemdiriji haýwan, jeren, maral. *Keýikler boz başly belent daglaryň düýbündäki çeşmä gelip, eňeklerini basyp, suw içipdirler* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Gyza dakylýan at.

◊ **Keýik syrtyna gurt düşdi** howlukmaçlyk, gyssanmaçlyk; eýläk-beýläk elewreme. *Men-ä oýlap görýän weli, indi keýik syrtyna gurt düşdi bolarmyka diýip gorkýan* (B. Kerbabaýew).

**KEÝIKBÖWREK** [keýikböwrök], *at, ösüml.d.* Dag eteklerinde, baýyrlyklarda ösýän kösükliler maşgalasyna degişli baldaksyz, köpýyllyk ot.

**KEÝIKBÖREK** [keýikbörök], *at, ösüml.d., ser.* **Keýigalma.**

**KEÝIKBURÇA** [keýikburço], *at, ösüml.d.* Dag eteklerinde, gumda bitýän 20-25 *sm* çenli ösgünlikdäki insiz ýaprakly ot.

**KEÝKERILMEK,** *işl.* Howsalaly gulak üşerdip ýa-da dikgerilip görünmek.

**KEÝKERIŞ,** *iş ady.* Keýkermek ýagdaýy.

**KEÝKERIŞMEK,** *işl.* Howatyr edişip üşerilişmek, bilelikde keýkermek.

**KEÝKERME,** *iş ady.* Keýkermek ýagdaýy.

**KEÝKERMEK,** *işl.* Howatyrly üşermek, howsalaly gulak üşertmek ýa-da dikgerip durmak. *Keýkerip duran at.*

**KEÝKERMEKLIK,** *iş ady.* Keýkermek ýagdaýy.

**KEÝKERTMEK,** *işl.* Howatyrly gulak üşertdirmek ýa-da dikgerilip durmak. *Bir zat gören ýaly, gulagyny keýkertdi* (B. Seýtäkow).

**KEÝP** [keýip], *at.* **1.** Adamyň içki ruhy ýagdaýynyň derejesi. *Keýpler nähili? Keýp niçik?* **2.** *göç.m.* Isleg, bir zada bolan meýil, küýseg, howeseklik. *Onuň çaý-nahar bilen keýpi ýokdy.* **3.** *Keýp* sözüniň soňundan *etmek* kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Keýp etmek** keýipli halda bolmak, höwes etmek, hezil etmek. *Goja bu sapar keýp edip güldi-de, ýanyndaky çaganyň başyny sypady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Keýp çekmek** oturylyşyk, gezelenç we ş.m. edip, wagtyňy hoş geçirmek, lezzet alyp, keýpi-sapada bolmak. **Keýpden çykmak** bir zatdan doly kanagatlanmak, bir zadyň hezilini görmek, gönenmek. **Keýpi atlanmak** has keýpli bolmak, keýpi has-da kökelmek. *Iki adamyň urşup duranyny görse ýa-da biriniň gybaty edilse, onuň keýpi atlanardy.* **Keýpi bozuk** şat däl, tukat.*Keýpimiň bozuk wagtynda sen meni güldürdiň* (G. Muhtarow). **Keýpi kök** şat, ruhy ýagdaýy galgyn; ünji-aladasyz, gaýgysyz-gamsyz.*Keýpiniň kök mahallary ol käte aýdyma hem hiňlenerdi* (A. Gowşudow). **Keýpine düşmek** bir zadyň höwesine kowalaşmak, yşkyna

düşmek. **Keýpine sogan dogramak** *ser.* **Keýpini bozmak.** *Şowsuzlyklar olaryň keýpine sogan dograýardy.* **Keýpine şärik** geçirilýän çärä, işe özüniň dahyly bolman, diňe daşyndan tomaşaçy hökmünde gatnaşýan (adam hakynda). *Onuň beýle zatlar bilen işi bolmaz, ýöne bir keýpine şärik adamdyr.* **Keýpini bozmak** ruhy dünýäsine galagoplyk aralaşdyrmak, gamlandyrmak, tukatlandyrmak. *Şol söz onuň keýpini beter bozjagyny aňlany üçin göwünlik berdi* (B. Kerbabaýew). **Keýpini gaçyrmak** *ser.* **Keýpini bozmak.** *Bu nämälim howsalaly ýagdaý adamlaryň keýpini bozdy* (B. Seýtäkow). **Keýpini uçurmak** *ser.* **Keýpini bozmak.** *Abadanyň çaý başynda beren gürrüňleri çopanyň keýpini uçurdy* ("Edebiýat we sungat"). **Keýpini görmek** bir zadyň lezzetinden hezil etmek. **Keýpiňi köklemek (sazlamak)** bir zatdan doly kanagatlanmak, göwün solpusyndan çykmak, göwnüňi hoşlamak. *Ýolagçylar çaý-suwdan keýplerini köklediler.* **Keýpiň kelläňde** öz meýliňe görä, öz eliň, öz ýakaň, ygtyýar özüňde. *Haýsy okuwa gitseň, şoňa git, keýpiň kelläňde.*

**KEÝP-AHWAL** [keýip-ahwa:l], *at.* Hal-ýagdaý, keýp we ahwalat. *Olar keýp-ahwal soraşyp, esli salym durdular.*

**KEÝPÇIL** [keýipçil], *syp.* Keýp çekmegi, oturyşmagy gowy görýän, keýpe gyzygýan. *Ol keýpçil adamdy.*

**KEÝPIÇAG** [keýpiça:ğ], *syp.* Keýpi kök, keýpi ýerinde.

**KEÝPIÇAGLYK** [keýpiça:ğlyk], *at.* Keýpi kök ýagdaýda bolmaklyk.

**KEÝPIHON** [keýpiho:n], *hal.* Öz islegine görä, meýletin, öz islegi bilen, özi keýp edip.

**KEÝPIHONLYK** [keýpiho:nluk], *at.* Öz islegine görälik, meýletinlik, öz islegine baglylyk. *Ol keýpihonlyk bilen kakasynyň ýanyna çoluk bolup gitdi.*

**KEÝPINE,** *hal.* Ýöne ýere, işsizlikden. *Aý, şu gün keýpine bazarlap gelsem diýýärin – diýip, jogap berdi* (H. Ysmaýylow).

**KEÝPI-SAPA** [keýpi-sapa:], *at.* Lezzetli ýagdaý, aýşy-eşret, şatlyk, hezil durmuş. *Ol galan ömrüni keýpi-sapada geçirmekçidi* (B. Seýtäkow).

**KEÝPI-SAPALYK** [keýpi-sapa:lyk], *at.* Lezzetlilik, aýşy-eşretlik, şatlyk, hezillik. *Ýagdaýym, durmuşym gowy, günüm keýpi-sapalykda geçýär.*

**KEÝPLENDIRMEK** [keýiplennirmek], *işl.* Biriniň keýpini götermek, ruhy taýdan galkyndyrmak, şatlandyrmak. *Ol habar ertirden bäri gamlanyp oturan gojany keýplendirdi.*

**KEÝPLENMEK** [keýiplenmek], *işl.* **1.** Keýpiň göterilmek, ruhy taýdan galkynmak. *Ol keýplenip işläp başlapdy.* **2.** *göç.m.* Serhoş bolmak, iýip-içip keýpiňi götermek. *Ol sähelçe keýplenmäni endik edinipdi.*

**KEÝPLI** [keýipli], *syp.* **1.** Şat, begençli, gam-gussasyz, keýpi kök, höwesli. *Bu gün ol has-da keýpli görünýärdi.* **2.** Lezzetli, sapaly. *Zyňyldy dykysy ilki çüýşäniň, Başlanýar şowhuny keýpli gijäniň* (A. Kekilow). **3.** *göç.m.* Serhoş, azrak içgili. *Oturylyşykdan soň birneme keýpli öýe gaýtdy.*

**KEÝPLILIK** [keýiplilik], *at.* **1.** Keýpi barlyk, keýpli ýagdaýda bolmaklyk.

**KEÝPSIZ** [keýipsiz], *syp.* **1.** Keýpi bolmadyk, keýpi ýok, keýpi bozuk. *Ol bu gün ylaýta-da ýadaw, ylaýta-da keýpsizdi* (B. Kerbabaýew). **2.** Lezzetsiz, gyzyksyz. *Agşam keýpsiz geçdi.*

**KEÝPSIZLENDIRMEK** [keýipsizlennirmek], *işl.* Biriniň keýpini gaçyrmak, halyny teň etmek. *Ol habar adamlary keýpsizlendirdi.*

**KEÝPSIZLENMEK** [keýipsizlenmek],*işl.* Bir zat sebäpli keýpiň gaçmak, halyň teň bolmak. *Ol sähel zada keýpsizlenip oturmagy özüne uslyp bilmedi.*

**KEÝPSIZLIK** [keýipsizlik], *at.* **1.** Keýpi ýokluk, keýpsiz bolmaklyk, keýpi bozuklyk. *Okuwyň ertir irden birinji sagadyny ol özüniň şol bir keýpsizligi bilen geçirdi* (N. Saryhanow). **2.** Lezzetsizlik, gyzyksyzlyk.

**KEÝTIK,** *syp.* Aýagynda ýetmezi bolan, sähelçe agsaýan, bir aýagyna ýempeýän. *Oňa keýtik ady ýöne ýerden berilmändi.*

**KEÝTIK-KEÝTIK**, *s. ş. aňl. söz.* Keýtikläp ýörelende döreýän şekil. *Ol keýtik-keýtik edip, obadan arany açdy.*

**KEÝTIKLEME,** *iş ady.* Keýtiklemek ýagdaýy.

**KEÝTIKLEMEK,** *işl.* Bir aýagyňy ýempedip ýöremek, agsamak. *Kä ogryn, kä dogryn keýtikläp ýöräp barşyna öz-özi bilen gürleşýärdi* (B. Seýtäkow).

**KEÝTIKLEMEKLIK**, *iş ady.*Keýtiklemek ýagdaýy.

**KEÝTIKLEŞMEK,** *işl.* Birnäçe bolup agsaklap ýöremek.

**KEÝTIKLEÝIŞ,** *iş ady.* Keýtiklemek ýagdaýy.

**KEÝWANY** [keýwa:ny], *at, gepl.d.* Erkek adamyň öz aýalyna ýüzlenip aýdýan sözi.

**KEZZAP** [kezza:p], *syp.* Ýalançy, aldawçy, ygrarsyz, mekir, hilegär. *Bir ykrarsyz kezzap adam, Guýruksyz gylýala meňzär* (Zelili). *Belli kezzap nyrhda durmaz* (Misgingylyç).

**KEZZAPÇYLYK** [kezza:pçylyk], *at, ser.* **Kezzaplyk**.

**KEZZAPLYK** [kezza:plyk], *at.* Ýalançylyk, aldawçylyk, ygrarsyzlyk. *Ýusup agalarynyň kezzaplygyny ýüzlerine aýdýar* ("Ýusup – Züleýha"). *Kezzaplygy ynsana galdyran kimkä?* (B. Pürliýew).

**KÄ** [kä:] **I,** Gezekleşigi görkezýän baglaýjy kömekçi. *Käkilik kä onda, kä munda gonup, tilkiniň ýanyna golaý baranda, tazylar tilkini görüp kowmaga başlanlar* (Halk ertekisinden).

**KÄ** [kä:] **II.** **1**. *Wagt, bir* ýaly sözleriň öňünden gelip, ýasalýan goşma sözüň manysyna nämälimlik ýokundysyny berýän söz ýasaýjy goşulma. *Meselem: käwagt, käbir, kähalat.* **2**. Haýsydyr bir, käbir, anyk belli bolmadyk. *Kä kişi geplemsek bolýar. Kä ýeriň adamlary myhmansöýer bolýar.*

**KÄ** [kä:] **III,** *ser.* **Käte 1.**

**KÄBE** [kä:ve], *at.* **1.** Musulmanlaryň Mekgedäki keramatly jaýy. *Alty aýlyk ýola – Käbä gidenler, Hajy bolup geldi, bular gelmedi* (Magtymguly). *Käbä zyýarat etmegiňiz hem şol tarapa zyýarat etmäge mümkinçilik döredip bermegiňiz, o dünýe-bu dünýe ýalkanjagyňyzyň alamatydyr* ("Watan"). **2.** Soňuna degişlilik goşulmasy goşulyp, "käbäm" görnüşinde çagalaryň öz enesine, şonuň ýaly-da gowy görlüp "janym, jigerim" manysynda enäniň çagalaryna ýüzlenip aýdýan sözi.*Ak süýdüň emdiren käbäm, Menden hoş indi, hoş indi* (Hatam şahyr). **3.** Adam ady.

**KÄBIR** [kä:vir], *çal.* Haýsydyr bir, näbelli (adam, zat hakynda). *Käbir zatlar barada gürrüň bereýin.*

**KÄBIRI** [kä:vi:ri], *çal.* Köpüň içinden haýsydyr biri, käsi, birnäçesi. *Olaryň käbirini atlandyrmak hem bolar.*

**KÄDAÝYM** [kä:da:ýym], *hal, gepl. d.* Hemişe däl-de, aram-aram, käwagt, kämahal, käýarym, herdaýym. *Kädaýym ýaşlyk hyjuwy, joşguny saklatman, ýagdaýlaryň çylşyrymlaşmazlygy, ýitileşmezligi üçin näme etmeli?* ("Watan").

**KÄDI** [kä:di], *at.* **1.** Pazyly we ýapraklary uly bakja ekini. *Olar kädi, garpyz ekmek üçin hem ýerleri ekişe taýýarladylar.* **2.** Şol bakja ekininiň hasyly. *Çorba kädi atyp bişirmek.* **3.** Tamdyranyň we gyjagyň içi köwlüp agaçdan edilýän we ses, owaz çykarmak üçin hyzmat edýän esasy bölegi (gyjagyň kädisi suw kädiden hem edilýär). *Kimsi oňa goşmaça perde ýelmedi, kim kädisini süýri etdi, kim gapagyny goşalady* ("Edebiýat we sungat"). **4.***gepl.d.* Nas guýulýan kiçijik gap (ol sözüň nas kädi görnüşi hem bar). *Soňra kädisini ýanyndakylara uzatdy* (B. Seýtäkow). **5.** *göç. m.* Baş, kelle. *Meniň kädimde beýnimden başga nämäm bar?* (B. Kerbabaýew).

◊**Kädä ýel düşen ýaly** hüňür-hüňür edip, tükeniksiz gürläp oturan adam barada ulanylýan meňzetme. *Kädä ýel düşen ýaly, şol hüňürdäp otyr.* **Kädi bulamak** ownuk dogralyp, gaýnadylan kädiniň üstüne ýag guýlup taýýarlanýan nahar.

**KÄHALAT** [kä:ha:lat], *hal.* Käwagt. *Kähalatda aýdan-diýeniň ýerine ýetmän hem galýar.*

**KÄHI** [kä:hi], *hal, kön.* s. Käte. *Kähi leblerinden, kähi tilinden, Öpsem – öldürerler, öpmesem – ölem* ("Asly – Kerem").

**KÄHUDA** [kä:huda:], *syp., ser.* **Kethuda.** *Kähuda ediner ýakyn-daşlaryň* (Baýly şahyr).

**KÄKELEME** [kä:keleme], *iş ady.* Käkelemek ýagdaýy.

**KÄKELEMEK** [kä:kelemek], *işl.* **1.** Ýumurtgalajak bolup "kä-kä" edip seslenmek (towuk hakynda). *Käkelän towuk ýumurtgalaman dynmaz* (Nakyl). **2.** *göç.m.* Bir zady etdirmek üçin gaýtalap-gaýtalap aýtmak, bir zady diliňden düşürmän gaýtalamak. *Agtygyň sizi göresi gelýär, birsyhly ata diýip käkeleýär* (B. Kerbabaýew).

**KÄKELEMEKLIK** [kä:kelemeklik], *iş ady.* Käkelemek ýagdaýy.

**KÄKELEŞMEK** [kä:keleşmek], *işl.* Birnäçe bolup käkelemek. *Towuklar ketegine gözlerin aýlap, Käkeleşýär ýatjak ýerlerin peýläp* (Ç. Gurbangylyjow).

**KÄKELEÝIŞ,** *iş ady.* Käkelemek ýagdaýy.

**KÄKIL** [kä:kil], *at.* **1.** Süýr depede goýlup ösdürilýän saç, kekil. *Käkilleriň towlansyn, burmasy telli bolsun, Gel, wadaňy birge goý, ykraryň belli bolsun* (Talyby). **2.** Atyň maňlaýyna dökülip duran ýal. *Bir bedew hanazat bolar syýaksyz, Guýrugy, käkili, ýaly bolmasa* (Magtymguly). **3.** Adam ady.

**KÄKILIK** [kä:kilik], *at.* **1.** Kepderiden tokgarak, çalymtykdan owadan reňkli, çüňki gyzyl guş. *Bir käkilik aldyrsa körpe balasyn, Saýraý-saýraý yzlamaýan bolarmy?* (Magtymguly). **2.** Gyza dakylýan at.

**KÄL** [kä:l], *at.* Bir wagtlar suw akymynyň ugry bolan giň jar.

**KÄMAHAL** [kä:mahal], *hal, ser.* **Käwagt.**

**KÄMIL** [kä:mi:l], *syp.* Doly suratda kemala gelen, ýetişen, hemme tarapdan taplanan.

**KÄMILLEŞDIRILMEK** [kä:mi:lleşdirilmek], *işl.* Öňküsinden-de kämil edilmek. *Hemme tarapdan kämilleşdirilen maşyn.*

**KÄMILLEŞDIRMEK** [kä:mi:lleşdirmek], *işl.* Bir zady has kämil etmek, hil taýdan oňatlaşdyrmak, taplanan görnüşe getirmek.

**KÄMILLEŞME** [kä:mi:lleşme], *iş ady.* Kämilleşmek ýagdaýy.

**KÄMILLEŞMEK** [kä:mi:lleşmek], *işl.* Kämillik derejesine ýetmek, has-da kämil bolmak; timarlanmak, syntgylanmak.

**KÄMILLEŞMEKLIK** [kä:mi:lleşmeklik], *iş ady.* Kämilleşmek ýagdaýy.

**KÄMILLIK** [kä:mi:llik], *at.* **1.** Durmuş, iş we ş.m. taýdan tejribeli, bişişen, mahlasy, kamil bolmaklyk. *Okuwyny gutaryp ylym aldy hem tejribe işlerinde bolup, kämillige ýetişip, obalaryna gaýtdy* (A. Gowşudow). **2.** Kemala gelmeklik, oglanlykdan saýlanyp, uly adam hataryna girmeklik. *Gaýda-gaýda oglanlygyň raýyndan, Ýetip geldim kämilligiň paýyndan* (Magtymguly).

◊ **Kämillik ýaşy** adamyň beden we ruhy taýdan ýetişen, raýatlyk hukugyny alan ýaşy. *Gepiň keltesi, ol indi kämillik ýaşyna ýetdi* ("Edebiýat we sungat").

**KÄN** [kä:n] **I,** *hal. syp.* **1.** Mukdar, san taýdan köp. *Hyrajyňy, salgydyňy kän berip, Gezdik köp işiňe ýarap, hoş indi* (Seýdi). **2.** Wagt taýdan uzak, dowamly. *Zöhre kän eglenmän gaýtdy* (T. Gurbanow). **3.** *göç. m.* Şeýle bir, o diýen, köp.

**KÄN** [kä:n] **II,** *at.* Ýerasty magdan baýlygy we onuň çykýan, gazylyp alynýan ýeri; hazyna, baýlyk. *Gaşlaryň gylyçdyr, gözleriň jellat, Bahaňa pul ýetmez käne ogşyr sen* ("Görogly").

**KÄNBIR** [kä:nmir], *çal.* Onçakly köp bolmadyk, o diýen.

**KÄNELIŞ** [kä:neliş], *iş ady.* Känelmek ýagdaýy.

**KÄNELME** [kä:nelme], *iş ady.* Känelmek ýagdaýy.

**KÄNELMEK** [kä:nelmek], *işl., gepl. d., ser.* **Köpelmek.**

**KÄNELMEKLIK** [kä:nelmeklik], *iş ady.* Känelmek ýagdaýy.

**KÄNELTDIRMEK** [kä:neltdirmek], *işl.* San, mukdar taýdan köpeltdirmek.

**KÄNELTMEK** [kä:neltmek], *işl. ser.* **Köpeltmek I.** *Şeýle alkyşlar bilen gelýänler barha känelýärdi* (N. Pomma).

**KÄNLIK** [kä:nlik], *at, ser.* **Köplük I.** *Onuň aljyramasy diňe bir adamyň känliginden däldi* ("Edebiýat we sungat").

**KÄPILLE** [kä:pille], *hal, gepl.d.* Käwagt. *Ýolagçy çekýän otly bu duralgada käpille bolaýmasa, köplenç durman geçýär* (N. Pomma).

**KÄR** [kä:r] **I,** *at.* **1.** Okamak, tälim almak netijesinde öwrenilýän hünär, meşgullanylýan iş, pişe. *Onuň käri mugallymçylykdy.* **2.** *göç. m.* Öwrenilen endik, edim-gylym. *– Bu käre haçan baş urduň ? – diýip, ol sorady* ("Edebiýat we sungat").

**KÄR** [kä:r] **II: kär etmezlik** täsir etmezlik, täsiri ýetmezlik; peýda bermezlik. *Gylyç galkana kär etmez, Tüpeň degse, daşdan geçer* ("Görogly"). *Biakyla akyl berseň kär etmez, Ezip gursagyna guýmak biläni* (Zelili).

**KÄRDERI** [kä:rderi], *at.* Inerden gaýan, arwanadan bolan inen düýe. *Bir zat diýsem, kärderi mal ýaly arkan gaýdyşyp durlar* (O. Akmämmedow).

**KÄRDEŞ** [kä:rdeş], *at.* Bir kärde bile işleşýän, käri, hünäri bir bolan, bir kärdäkiler.

◊ **Kärdeşler arkalaşygy** belli bir kesp-kärdäki işgärleriň, işçileriň birleşigi.

**KÄRENDE** [kä:renne], *at.* Wagtlaýyn peýdalanmak üçin kireýne alnan ýa-da berlen (ýer, jaý we ş.m.).

**KÄRENDEÇI** [kä:renneçi], *at.* Ekin ýerini we ş.m. kärendesine alan adam.

**KÄRENDEÇIL1K** [kä:renneçilik], *at.* Kärendeçi bolup işlemeklik.

**KÄRHANA** [kä:rha:na], *at.* Önüm öndürmek bilen meşgullanýan, çig mal önümlerini maşyn arkaly işläp çykarýan senagat önümçilik pudagy.

◊ **Hususy kärhana** fiziki şahs tarapyndan onuň karary esasynda we özüniň eýeçilindäki emlägi peýdalanmak bilen döredilen ýuridik şahs (hususy kärhana fiziki şahsyň başga hususyýetçilere degişli kärhanany satyn almagy netijesinde hem döredilip bilner).

**KÄRIZ** [kä:riz], *at.* Ýerasty suwlardan peýdalanmak üçin, dag eteklerinde guýy gazyp, aralary söw arkaly birikdirilen guýular topary.

**KÄRIZÇI** [kä:rizçi], *at, ser.* **Kärizgen.***Kärizçileriň ýerine ýetirýän işi aňsat iş däl.*

**KÄRIZGEN** [kä:rizğen], *at.* Käriz gazýan ussa, kärizçi. *Kärizgenler örän agzybir işleýärler.*

**KÄRIZLIK** [kä:rizlik]**,** *at.* Käriziň köp ýeri. *Ol kärizligiň arasyna urup, gözden ýitdi* (R. Gelenow).

**KÄRSIZ** [kä:rsiz], *syp.* **1.** Hiç bir hünäri bolmadyk, käri ýok, hünärsiz. *Kärsiz ýetginjek.* **2.** *gepl. d.* Bikär gezip ýören, hiç bir iş bilen meşgullanmaýan.

**KÄRSIZLIK** [kä:rsizlik], *at.* **1.** Hünärsizlik, käri, kesbi ýokluk. *Ýaş wagtymda hünär öwrenmänim üçin kärsizlik gaty köseýär.* **2**. *gepl. d.* Işsizlik, bikärlik. *Ýatan çöpi galdyranok, kärsizlikden irmeýärmikä?*

**KÄSE** [kä:se], *at.* **1.** Çaý içmek üçin agzy ýaýbaň, düýbi çürüräk jäjem gap, pyýala. Ş*ahyr käsesine gyzgyn çaý guýdy* (G. Kulyýew). **2.** Gawun-garpyz ýarylanda, onuň böleklenen üç-dört böleginden biri. *Ertir irden bir käse gawun iýdi.*

**KÄSELEME** [kä:seleme], *iş ady.* Käselemek ýagdaýy.

**KÄSELEMEK** [kä:selemek], *işl.* **1.** Gawun-garpyz ýarylanda, üç-dört bölüp, käse-käse edip kerçlemek. *Ol basyrylgy gawunlardan birini ýardyda, käseläp gyzyň öňüne süýşürdi* (T. Gurbanow). **2.** Käse bilen ölçemek, guýmak. *Tüwini käseläp ölçedi.*

**KÄSELEMEKLIK** [kä:selemeklik], *iş ady.* Käselemek ýagdaýy.

**KÄSELEMEZLIK** [kä:selemezlik], *iş ady.* Käseläp kesmezlik.

**KÄSELENMEK** [kä:selenmek], *işl.* **1.** Käse-käse edilip dilinmek, bölünmek. **2.** Özüň üçin käselemek. *Men gawun käselendim.*

**KÄSELEŞDIRMEK** [kä:seleşdirmek], *işl.* Gawuny, garpyzy käse-käse edişdirmek, käseläp çykmak. *Ol ullakan gawunlary käseleşdirdi.*

**KÄSELEŞMEK** [kä:seleşmek], *işl.* **1**. Gawuny kesip, käse-käse etmäge kömekleşmek. *Ol myhmanlaryň öňünde goýuljak gawunlary käseleşdi.* **2**. Bilelikde käselemek. *Adamlar saçakda goýuljak gawunlary käseleşip otyrdylar.*

**KÄSELETMEK** [kä:seletmek], *işl.* Gawuny dilim-dilim kesip, käse-käse etdirmek.

**KÄSELEÝIŞ** [kä:seleýiş], *iş ady.* Käselemek ýagdaýy.

**KÄSI** [kä:si], *çal.* Käbiri, birnäçesi, köp zadyň arasyndan biri. *Olaryň käsi bürenjeginiň çetinden, käsi omrakaý ýaşmagynyň üstünden, käsi bolsa ýüzüne tutan iki eliniň arasyndan garaýardy* (B. Kerbabaýew). *Bu gülleriň käsiniň ysy diýseň ýakymly.*

**KÄSIP** [kä:si:p], *at, k. d.* Kesp ediji, bir iş bilen meşgul bolýan adam.

**KÄŞGÄ** [kä:şğä:], Sözlemdäki işlige "ýogsa-da, iň bolmanda, bolmanda" diýen many ýokundysyny berýän söz. *Käşgä, Nepes bir ylymly adam bolsa, onda başga gürrüň* (A. Gowşudow). *Käşgä ozi gelip haýyş eden bolsa, möhümini bitirerdim. Käşgä artyk pulum bolan bolsady, seni boş goýbermen ahyry.*

**KÄŞIR** [kä:şir], *at. ösüml.d.* **1.** Köki kösük ýaly süýri, ownuk ýaprakly gök ekin. **2.** Şol ekiniň gyzyl, sary öwüsýän süýjümtik tagamly, iýilýän önümi. *Gawun, pomidor, käşir ýaly gök ekinleri gyşa saklamagy, gyşdan çykarmagy-da başarypdyr* (K. Berdiýew).

**KÄŞKI** [kä:şki], *ser.* **Käşgä.** *Käşki adam bu dünýäge gelmese, Gelenden soň ömür sürse, ölmese* (Magtymguly). *Käşki ol söwda etmegi oňarýan bolaýsady, ony hem oňarmazdy* (A. Durdyýew).

**KÄTE** [kä:te], *hal.* **1.** Käwagt, kämahal, çendan, seýrek, aram-aram, wagtal-wagtal. *Ol käte aýdym hem aýdýar.* **2.** Deňdeş agzalaryň arasynda gelip,

gezekleşigi aňladýar. *Käte ýagyş ýagýar, käte Gün çykýar.*

**KÄTE-KÄTE** [kä:te-käte], *hal.* Aram-aram, wagtal-wagtal, herdaýym, käbir wagtda. *Käte-käte kenaryň bölegi opurylanda, pagşyldy eşidilýärdi* (N. Jumaýew).

**KÄTIP** [kä:ti:p], *at.* Wezipesine görä hat-ýazuw işlerini alyp barýan adam, mürze. *– Meniň oglum Soltannyýaz begiň kätibi – diýip, özüňi asmana çykarma – diýip, gyjalat beripdir* (N. Pomma).

**KÄTIPLIK** [kä:ti:plik], *at.* Kätibiň kesp-käri, wezipesi. *Ol ýygnakda kätiplik etdi.*

**KÄTMEN** [kä:tmen], *at.* Ýer bejermek, ekinleriň düýbüni ýumşatmak, otag etmek üçin ulanylýan, agzy aşak bakyp duran, uzyn saply oba hojalyk guraly. *Ynha, bu ýyl bolsa ol gowaçalary atanaklaýyn bejerip, agyr kätmenden dyndardy* (B. Öwezow).

◊ **Kätmen urmak** kätmen bilen ýeri kätmenlemek. *Ol kätmen urup ýören bir oglanyň ýanyna bardy* (Ö. Abdyllaýew).

**KÄTMENÇE** [kä:tmençe], at. Kiçijik, çaklaňja kätmen. *Ol kätmençe bilen şitilleriň düýbüni ýumşadýardy.*

**KÄTMENÇI** [kä:tmençi], *at.* Kätmen bilen işleýän, kätmen urýan adam. *Kätmençiniň sanan atlaryny derrew belläp aldy* (Ö. Abdyllaýew).

**KÄTMENLEME** [kä:tmenleme], *iş ady.* Kätmenlemek ýagdaýy.

**KÄTMENLEMEK** [kä:tmenlemek], *işl.* Kätmen bilen ekini, ekin ýerini bejermek, ýumşatmak. *Kätmenledik, ýekeledik, Kesip zyňdyk haşal otun* (D. Agamämmedow).

**KÄTMENLEMEKLIK** [kä:tmenlemeklik], *iş ady.* Kätmenlemek ýagdaýy.

**KÄTMENLENMEK** [kä:tmenlenmek], *işl.* Kätmen bilen ekiniň düýbi, ekin ýeri bejerilmek, ýumşadylmak. *Gowaça hatarlary kätmenlendi.*

**KÄTMENLEŞDIRMEK** [kä:tmenleşdirmek], *işl.* Birnäçe ýeri kätmenläp çykmak. *Hyýar ekilen ýerleri kätmenleşdirip çykdylar.*

**KÄTMENLEŞMEK** [kä:tmenleşmek], *işl.* **1.** Kätmenlemäge kömekleşmek. *Ol agasyna gowaça kätmenleşdi.* **2.** Bilelikde kätmenlemek. *Daýhanlar ekin ýerleriniň içini kätmenleşip ýördüler.*

**KÄTMENLETMEK** [kä:tmenletmek], *işl.* Kätmenlemek işini başga birine etdirmek; kätmenlemäge ýol bermek. *Daýhanlara gowaçanyň hatar aralaryny kätmenletmek. – Kaka, üzümiň içini maňa-da kätmenledäýsene!*

**KÄTMENLEÝIŞ** [kä:tmenleýiş], *iş ady.* Kätmenlemek ýagdaýy.

**KÄWAGT** [kä:wağt], *hal.* Mahal-mahal, aram-aram, hemişe däl-de, kähalatlarda. *Özara jedeliň käwagtlarda has gyzyşýan wagtlary hem bolýar* ("Edebiýat we sungat").

**KÄÝARYM** [kä:ýa:rym], *hal, ser.* **Käwagt.** *Uçar käýarym iki ýana yraň atýar-da, ýene gönelip gidip barýar* (K. Berdiýew).

**KÄÝELMEK** [kä:ýelmek ë kä:ýýelmek], *işl.* Ýaramaz, bolgusyz hereket üçin ýazgarylmak. *Uzak gitmän bu garry, garşy-garşy köwlendi, Ýüzüne-de almady käýelenni, kowlanny* (M. Seýidow).

**KÄÝEME** [kä:ýeme / *gepl.d.*: kä:ýýeme], *iş ady.* Käýemek ýagdaýy.

**KÄÝEMEK** [kä:ýemek / *gepl.d.*: kä:ýýemek], *işl.* Ýaramaz, bolgusyz hereketi, işi üçin birini ýazgarmak, köteklemek; gaharlanyp öwüt bermek.

**KÄÝEMEKLIK** [kä:ýemeklik / *gepl.d.*: kä:ýýemeklik], *iş ady.* Käýemek ýagdaýy.

**KÄÝEŞDIRMEK** [kä:ýeşdirmek / *gepl.d.*: kä:ýýeşdirmek], *işl.* Birnäçe adama käýäp çykmak.

**KÄÝETMEK** [kä:ýetmek / *gepl.d.*: kä:ýýetmek], *işl.* Ýaramaz, bolgusyz hereket, iş edeni üçin ýazgartmak. *Kakaň gelse, oňa käýederin. Bolgusyz iş edip, atam-enemi käýetdim.*

**KÄÝINÇ** [kä:ýinç], *at.* **1.** Birine kaýelip, ýazgarylyp aýdylýan igenç. *Käýinç eşitmek.* **2.** Bir işi, tabşyrygy ýaramaz ýerine ýetirenligi üçin gurama, edara tarapyndan berilýän temmi, çäre. *Käýinç bermek.*

**KÄÝINDIRMEK** [kä:ýinnirmek], *işl.* Birini zeýrendirmek, biriniň janyny ýakmak, käýedip ýörmek. *Indi sizi käýindirmejek bolaryn* (A. Nazarow).

**KÄÝINJEŇ** [kä:ýinjeň], *syp.* Nägile bolup igenegen, köplenç, käýinip, igenip ýören; nägilelik bilen iňirdegen.

**KÄÝINJEŇLIK** [kä:ýinjeňlik], *at.*Käýinjeň bolmaklyk, käýinjeň gylyk-häsiýetlilik. *Käýinjeňlik hem gowy häsiýet däl.*

**KÄÝINJIREMEK** [kä:ýinjiremek], *syp.* Nägilelik bilen öz-özüňe çalarak käýinmek; çala zeýrenmek. *Ine, men ondan tarap ertirden bäri käýinjiräp otyryn* (N. Saryhanow). *Akja keçeden olduryk kesip oturan Gulgeldi ýene käýinjiräp ugrady* (N. Hojageldiýew).

**KÄÝINMEK** [kä:ýinmek], *işl.* Birine ýa-da bir ýaramaz herekete öz ýanyňdan nägilelik bildirmek. *Akyllyň işinden göwnüň söýüner, akmagyň işinden pähmiň käýiner* (Nakyl).

**KÄÝIŞ** [kä:ýiş], *iş ady.* **1.** Käýemek ýagdaýy. **2.** Bir zatdan edilýän igenç. *Akmaklar özüni saýyr bir kişi, Özgeler üstüne kylar käýişi* (Kätibi).

**KÄÝIŞME** [kä:ýişme], *iş ady.* Käýişmek ýagdaýy.

**KÄÝIŞMEK** [kä:ýişmek], *işl.* Biri-biriňe gaty-gaýyrym söz diýmek. *Ýa-da biri bilen käýişdiňmi?* (J. Akyýew).

**KÄÝITDIRMEK** [kä:ýitdirmek], *işl.* Özüňi başga biriniň käýinjine uçratmak, käýelmek derejesine eltmek.

**KÄÝITMEK** [kä:ýitmek], *işl.* **1.** *gepl. d.* Käýinçli sözi başga birine diýdirmek, käýetmek. *Men seniň eden işiň üçin kakama käýiderin.* **2.** Birini zeýrendirmek, käýindirmek, igençli iňirdetmek; biriniň zehinini ýakmak. *Ýöne weli bagyşla sen, Käýidenmi çendan, enem* (M. Seýidow).

**KI,** Eýerjeňli goşma sözlemlerde baglaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýän baglaýjy. *Magtymguly aýdar: sözlerim hakdyr, Emma ki hak söze ten beren ýokdur* (Magtymguly).

**KIBI** [kivi], *köm. s., ser.* **Kimin.** *Häkim bolsaň halky Gün kibi çoýgul, Akarda suw, ýa öserde ýel bolgul* (Magtymguly).

**KIBIRDEME** [kivirdeme], *iş ady.* Kibirdemek ýagdaýy.

**KIBIRDEMEK** [kivirdemek], *işl.* Kibirt-kibirt edip owranyp, seslenip durmak. *Kibirdäp duran külçe.*

**KIBIRDEMEKLIK** [kivirdemeklik], *iş ady.* Kibirdemek ýagdaýy.

**KIBIRDETMEK** [kivirdetmek], *işl.* Kibirt-kibirt ses çykartmak, kibirdili seslendirmek. *Oglanjyk kökäni kibirdedip iýýärdi.*

**KIBIRDEWÜK** [kivirdöwük], *syp.* Kibirdäp duran, kibirdili ses döredýän. *Kibirdewük köke.*

**KIBIRDI** [kivirdi], *at.* Gar, ýukajyk buz gatlagy we ş.m. owrananda, gaty, gury iýmit iýlende çykýan sesiň ady. *Onuň iýýän kökesiniň kibirdisi eşidilip durdy.*

**KIBIRT** [kivirt], *s. ş. aňl. söz.* Gar, ýuka buz gatlagy we ş.m. owrananda, gaty, gury iýmit iýlende bir gezek çykýan ses. *Her gezek kökäniň ujundan dişlände kibirt edýärdi.*

**KIBIRT-KIBIRT** [kivirt-kivirt], *s.ş.aňl.söz.* Gar, ýuka buz gatlagy we ş.m. owrananda, gaty, gury iýmit iýip durka yzly-yzyna çykýan sesler. *Kibirt-kibirt edip iýmek.*

**KIBIT** [kivit], *at.* **1.** Adamyň egni, gerdeni, iki omzunyň üsti. **2.** *göç.m.* Gara öýüň, çatmanyň we ş.m. gerşi, umumy durky.

◊ **Kibitiňi gysmak 1**) "bilemok" diýen manyda yşarat etmek. **2**) *ser.* **Egniňi gysmak**.

**KIÇELDILMEK**, *işl.* **1**. Öňküsine görä kiçi edilmek. *Onuň penjegi kiçeldilipdir.***2**. Öňki derejesinden peseldilmek.*Ol özüniň wezipesiniň kiçeldilmegine çydam edip otyrdy.*

**KIÇELIŞ**, *iş ady.* Kiçelmek ýagdaýy.

**KIÇELME**, *iş ady.* Kiçelmek ýagdaýy.

**KIÇELMEK**, *işl.* **1**. Öňki derejesinden, göwrüm, möçber taýdan kiçi bolmak, belli bir derejeden kem bolmak. **2**. Bir zadyň täsiri bilen girmek, daralmak (eşik, geýim hakynda). *Onuň keteni köýnegi bir ýuwlandan soň kiçelipdir.* **3**. Garrylyk, näsaglyk zerarly göwräniň eti-gany gaçmak, sykylmak, horlanmak. *Uzyn, daýaw göwresi öňküsine garanda kiçelen ýalydy.* **4**. Aşak düşmek, peselmek (wezipe hakynda). *Ol öňki kärinden kiçelipdir.* **5**. *göç.m.* Ruhy taýdan peselmek, özüňi pes tutmak. *Köp ýerde kiçelmeli, boýun burmaly boldy* (B. Seýtäkow).

**KIÇELMEKLIK**, *iş ady.* Kiçelmek ýagdaýy.

**KIÇELMEZLIK**, *iş ady.* Öňki boluş ýagdaýyndan, ululygyndan kiçi, pes bolmazlyk.

**KIÇELTDIRMEK**, *işl.* Öňki derejesinden, möçber, göwrüm taýyndan kiçi etdirmek.

**KIÇELTMEK**, *işl.* **1**. Öňki derejesinden, göwrüm, möçber taýdan kiçi etmek, belli bir ölçegden kemeltmek. *Olaryň gözleriniň agy köpelip, garasy kiçelen ýalydy* (B. Seýtäkow). **2**. Gysgaltmak, kelteltmek. *Jalbary kiçeltmek.* **3**. Bir zady kiçi edip görkezmek, ähmiýetini peseltmek. *Edilen işleri kiçeltmäň!* **4**. Aşak düşürmek, peseltmek (wezipe, iş hakynda). *Onuň gulluk wezipesini kiçeldipdirler.***5**. *göç.m.* Ruhy taýdan mertebesini peseltmek, kemsitmek. *Özüň ýaly adamyň ýanynda özüňi kiçeltmek.*

**KIÇEŇRÄK** [kiçeňrä:k], *syp.* Kiçiräk, çaklaň, uly bolmadyk. *Güýzde däne ekilmedik ýer juda bir köpem däldi. Esasan, täze açylan ak ýerlerdi, kiçeňräk hemem suw çykmasy kynrak par pellerdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). *Olaryn içi üzümli kiçeňräk howlusy, üç otagly jaýlary bardy* ("Edebiýat we sungat").

**KIÇEŇSI**, *syp., ser.* **Kiçeňräk**. *Ol agaç daşdan kiçeňsi görünýär.*

**KIÇI**, *syp.* **1**. Uly däl, göwrüm taýdan çaklaň. **2**. Gerekli derejeden dar, gysby, kelte. *Saňa ol çäkmeniň egnem kiçi, özem gysga.* **3**. Az sanly, san, mukdar taýdan az. *Dutarçylaryň kiçi topary.* **4**. Ýaş, ýaşy az bolan; boýy pes bolan. *Ol oba baryp, kiçi ogluny görmek üçin edara sowuldy* (A. Durdyýew). **5**. Adam ady.

◊ **Kiçi çille** gyşyň soňky ýigrimi güni. **Kiçi dil** bokurdakda ýerleşýän kiçijik dil. *Çaganyň kiçi dili ýykylypdyr.* **Kiçi dilden bärde aýtmak (sözlemek)** tüýs ýürekden aýtmazlyk.

**KIÇI-GIRIM** [kiçi-ği:rim]: **kiçi-girim däl** kiçi, maýda, ownuk-uşak zat däl; ep-esli, göwrüm taýyndan uly. *Täze ýylda biziň öňümizde duran wezipeler kiçi-girim däl* ("Edebiýat we sungat").

**KIÇIGÖWÜNLI** [kiçiğöwünlü], *syp.* Göwni ýokary bolmadyk, pes pälli, sähelçe zat üçin göwni bitýän. *Ol kiçigöwünli ýigit.*

**KIÇIGÖWÜNLILIK** [kiçiğöwünlülük], *at.* Göwni ýokary dällik, päli peslik, az zada göwni bitijilik. *Kiçigöwünlilik bilen haýyş etmek.*

**KIÇIJIK,** syp. Gaty kiçi.

**KIÇILIK**, *at.* **1**. Uly bolmazlyk, göwrüm taýdan çaklaňlyk. *Otagyň kiçiligine garamazdan, onuň içi ýagtydy.* **2**.Keltelik,darlyk. *Köýnek saňa kiçilik edýär.* **3**. Ýaş taýdan ýaşlyk, ýaşy kiçi bolmaklyk. *Ýokary okuw* jaýyna girmäge ýaşy kiçilik edip duranok-la.

◊ **Kiçilik bilmek (saýmak)** özüňe uslyp görmezlik, öz mertebäňden pes hasaplamak, saýmak. *Ol aýal maşgala bilen ýakalaşyp durmagy özüne kiçilik bildi.*

**KIKIRDEME**, *iş ady.* Kikirdemek ýagdaýy.

**KIKIRDEMEK**, *işl.* Pessejik ses bilen assaja gülmek, kikir-kikir edip gülmek. *Haý, ukyňy bimaza etdim-ow – diýdi-de, kikirdäp goýberdi* (T. Gurbanow).

**KIKIRDEMEKLIK**, *iş ady.* Kikirdemek ýagdaýy.

**KIKIRDEŞMEK**, *işl.* Kikir-kikir edişip bilelikde gülmek. O*turanlar onuň gürrüňine kikirdeşip gülüşdiler.*

**KIKIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Kikirdemek ýagdaýy.

**KIKIRDI**, *at.* Kikir-kikir edip assaja gülnende çykýan sesiň we ýuwaşja gülkiniň ady. *Çaganyň kikirdisi.*

**KIKIR-KIKIR**, *s. ş. aňl. söz.* Pessejik ses bilen assaja gülünýärkä dowamly çykýan sesler.

**KILÇERIŞ**, *iş ady.* Kilçermek ýagdaýy.

**KILÇERME**, *iş ady.* Kilçermek ýagdaýy.

**KILÇERMEK**, *işl.* Kilçiklik edip, aýtmaly-aýtmasyz zady seljermän aýtmak, kelçermek. *Ýat adamyň ýanynda beýdip kilçerip otursaň, gelşikli bolmaz.*

**KILÇIK**, *syp.* Aýtmaly-aýtmasyz zady kelpeňlik edip aýdýan, suwumsyz. *Onuň kilçik däldigine, hiç kimi aldamaýanyna, özgäniň işine goşulmaýanyna çynlakaý üns berdi* (B. Kerbabaýew).

**KILÇIKLEMEK**, *işl.* Kilçiklik etmek, kilçermek.

**KILÇIKLIK**, *at.* Kilçige mahsus bolan häsiýet.

**KILE** [ki:le], *at, gepl. d., ser.* **Kilogram**.

**KILELIK** [ki:lelik], *syp.* Bir kilograma deň bolan (daş hakynda).

**KILEŇ**, *syp.* Bary, tükel, bütinleý; uçdantutma, başdan-aýak, ýalaň. *Kileň ýaş ýigitler.*

**KILIM**, *at.* Haly ýaly ýüwürdilip, öýdelip dokalýan düşek ýa-da gapy üçin tuty. *Kireýsiz kilim kakylmaz, ojaksyz öýe bakylmaz* (Nakyl).

**KILISE**, at. Hristianlaryň ybadathanasy. Öwladyl-ebtun gyzlary şol ýerdäki kilisä geler *erdiler* ("Asly –Kerem").

**KILK** [kilik], at, *ser.* **Kilt I**. *Demir kilk bilen petle satyn aldy.*

**KILKLEME** [kilikleme], *iş ady.* Kilklemek ýagdaýy.

**KILKLEMEK** [kiliklemek], *işl., ser.* **Kiltlemek.** *Bahar turdy-da, açyk işigini çekip, içinden kilkledi* (A. Gowşudow).

**KILKLEMEKLIK** [kiliklemeklik], *iş ady.* Kilklemek ýagdaýy.

**KILKLEMEZLIK** [kiliklemezlik], *iş ady., gepl.d., ser.* **Kiltlemezlik**. *Ol gapyny içinden kilklemän eken.*

**KILKLENMEK** [kiliklenmek], *işl., gepl.d.,ser.* **Kiltlenmek**. *Gapy kilklenipdir.*

**KILKLEŞDIRMEK** [kilikleşdirmek], *işl., gepl.d., ser.* **Kiltleşdirmek**. *Ol äpişgeleri kilkleşdirdi.*

**KILKLETMEK** [kilikletmek] *işl., gepl. d., ser.* **Kiltletmek**. *Ol agtygyna gapyny kilkletdi.*

**KILKLEÝIŞ** [kilikleýiş], *iş ady, ser.* **Kiltleýiş**.

**KILO** [kilo:], *gepl.d., ser.* **Kilogram**. *Kyrk kilo ser urdy ýygnanan şaýlar* (B. Kerbabaýew).

**KILOGRAM** [kileğyra:m], *at.* Ölçeg ulgamynda 1000 grama deň bolan agyrlyk birligi.

**KILOGRAMLYK** [kileğyra:mlyk], *syp.* Agramy kilograma deň, barabar bolan (ölçeg, çeküw daşy). *Bir kilogramlyk daş.*

**KILOLYK** [kilo:lyk / ki:lelik], *at,gepl.d., ser.* **Kilogramlyk**.

**KILOMETR** [kilame:tir], *at.* 1000 metre deň bolan uzynlyk ölçeg birligi.

**KILOMETRLIK** [kilame:tirlik], *syp.* Bir kilometr aralyk, daşlygy bir kilometre deň. *Sekiz kilometrlik ýol.*

**KILT** [kilit] **I**, *at.* Gapyny ýapmak üçin ildirgiç, gulplamak üçin demir halka.

◊ **Kiltiňi dikmek (sokmak)** bir zat etmegiň hyýalynda bolmak.

**KILT** [kilit] **II**, *at.* Ýeňse damary çekmek hem-de kelläni arkan gaýşartmak ýaly alamatly howply çaga keseli.

**KILTLEME** [kilitleme], *iş ady.* Kiltlemek ýagdaýy.

**KILTLEMEK** [kilitlemek], *işl.* Kiltini ildirmek, ildirgijini, zülpesini ildirip ýapmak. *Işigi kiltlemek.*

**KILTLEMEKLIK** [kilitlemeklik], *iş ady.* Kiltlemek ýagdaýy.

**KILTLEMEZLIK** [kilitlemezlik], *iş ady.* Kiltini ildirip ýapmazlyk.

**KILTLENMEK** [kilitlenmek], *işl.* Kilti, ildirgiji ildirilmek.

**KILTLEŞDIRMEK** [kilitleşdirmek], *işl.* Kiltini ildirişdirmek, ildirgijini, zülpesini ildirip ýapyşdyryp çykmak.

**KILTLETMEK** [kilitletmek], *işl.* Kiltlemek işini başga birine etdirmek.

**KILTLEÝIŞ** [kilitleýiş], *iş ady.* Kiltlemek ýagdaýy.

**KILTLI** [kilitli], *syp.* **1**. Kildi, ildirgiji bolan. *Gabsanyň kiltli tarapyny petlä tarap oturdypdyrlar.* **2**. Gulply, gulplanan, ildirilgi, bekli. *Gapy içinden kiltlidir.*

**KILTSIZ** [kilissiz], *syp.* **1**. Kildi, ildirgiji ýok, kilt oturdylmadyk. *Kiltsiz gapy.* **2**. Ildirilmedik, bekli däl. *Gapy kiltsizdir, göni bar-da giriber.*

◊ **Içi kiltsiz** göwni, ruhy päkize, ýüregi arassa, hiç hili ýamanlygy bolmadyk, kitüwsiz.

**KILWAN** [kilwa:n], *at.* Degirmende un üwemek işinde işleýän işçi, degirmençi. *Ol degirmende kilwan bolup işleýärdi.*

**KILWANÇYLYK** [küwa:nçylyk], *at, ser* **Kilwanlyk**.

**KILWANLYK** [kilwa:nlyk], *at.* Kilwanyň kesp-käri.

**KIM**, *çal.* **1**. Adama degişli, adam ady bilen baglanyşykly ulanylýan sorag çalyşmasy; biriniň kimdigini anyklamak üçin berilýän sowal.*Kim saňa atlary taýýarla diýdi?!* (H. Derýaýew). **2**. Sorag we ýüzlenme sözlemlerinde "haýsy adam?"manysynda.*Eý ýaranlar, kim ýetişer dadyma? Başym çykmaz ne gowgaýa sataşdym* (Magtymguly). **3**. Garşylykly many aňladýan sözlemlerde her sözlemiň öňünden gaýtalananda: "biri, beýlekisi, birnäçesi, galany" manysynda ulanylýar. *Kim nan tapmaz iýmäge, Kim ýer tapmaz goýmaga* (Magtymguly). **4**. *göç. m.* Kowum-garyndaş, howandar, hemaýatçy. *Ejiz menem, senden özge kimim bar, Öz beren janyňa jebr etme, Jepbar* (Magtymguly). **5.** Biri-birine garşy goýulýan sözlerden soň gelip, gopbamlyk ýa-da

göwnüýetmezlik manysyny nygtaýjy söz. *Sen kim, meniň bilen sanaşmak kim?* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kim bilýär** bilýän adam ýok, näbelli; bilip bolmaz. *Kim bilýär, belkem, ertir hut şol tanyş gözler suw ýolunda ýa-da derýa kenarynda ikiçäk duşuşarlar!* (G. Kulyýew). **Kimdir biri** kim-de bolsa bir adam, näbelli biri. *Kimdir biri gapdaldan meçew berdi* (G. Kulyýew).

**KIMBILMEŞEK** [kimmilmeşek], *at.* **1**. Jogaby oýlanyp tapylmaly çaga oýny, matala meňzeş oýun. *Çagalar kimbilmeşek oýnaýardylar.* **2.** Goşgy bilen ýazylýan matal.

**KIMIN** [kimi:n], *köm. s.Ýaly, kibi, dek, deýin* ýaly sözlere we *meňzeş* sözüne manydaş ulanylýan sözsoňy kömekçi.

**KIMLIK**, **1**. *syp.* Kime degişli, kim bilen baglanyşykly. *Siziň kimlik işiňiz bar?* **2**. *hal.* Kimiň tarapynda, kimiň ýarany. *Siz futbol oýnunda kimlik bolduňyz?*

**KIMDE-KIM**, *at.* Kim hem bolsa, kimdir biri.

**KIMSE**, *çal.* Biri, näbelli bir adam. *Kimse aglar, kimse güler, Gün çykar çäşden, dogrusy* (Magtymguly).

**KINAÝA** [kina:ýa], *at.* **1**. Kakdyrma, ýaňsy äheňinden duýulýan närazylyk. *Ol kinaýa bilen seretdi.* **2**. Ýaňsyly äheňde ýazylýan kiçijik kyssa, goşgy.

**KINAÝALAMA** [kina:ýalama], *iş ady.* Kinaýalamak ýagdaýy.

**KINAÝALAMAK** [kina:ýalamak], *işl.* Kinaýa alyp, kakdyryp sözlemek, gürlemek, aýtmak. *Hon-ha, götergilenýän adamyň, gör, näme iş edýär? –diýip, kinaýalap güldi* (A. Gowşudow).

**KINAÝALAMAKLYK** [kina:ýalamaklyk], *iş ady.* Kinaýalamak ýagdaýy.

**KINAÝALAÝYŞ** [kina:ýalaýyş], *iş ady.* Kinaýalamak ýagdaýy.

**KINAÝALY** [kina:ýaly], *syp.* Kinaýa bilen aýdylýan, kakdyrylyp aýdylýan.

**KINAÝALYLYK** [kina:ýalylyk], *at.* Kinaýaly ýagdaýda bolmaklyk, kinaýa etmeklik, ýaňsa alyjylyk. *Beýle kinaýalylyk nämä gerek?*

**KINDIWAN** [kinniwa:n], *at.* Örän kiçi, kiçijik, nakysja. *Kindiwanja körpe ýatyr gundagly, Çeper eliň çeken suraty ýaly* (B.Hudaýnazarow).

**KINE** [ki:ne], *at.* Bir zat sebäpli döreýän öýke, göwün galma.

**KINE-KITÜW** [ki:ne-kitüw], *at, ser.* **Kine.**

**KINELI** [ki:neli], *syp.* Öýkeli, nägile, kinesi bolan, göwni döwlen. *Tahyrdan göwni kineli, Aşyklardan arly daglar* (Halk aýdymyndan).

**KINELILIK** [ki:nelilik], *at.* Kinesi barlyk, öýkelilik, nägilelik. *Kinelilik paýhasly adama gelişmeýär.*

**KINESIZ** [ki:nesiz], *syp.* Kinesi ýok, öýkesiz. *Adam diýeniň ownuk-uşak zady göwnüne almasa, kinesiz bolsa gowy bolýar.*

**KINO** [ki:no:], *at.* **1**. Durmuş wakalary ýörite sahnalaşdyrylan janly kinoşekiller arkaly beýan edilýän sungat eseri. *Sesli kino. Sessiz kino. Kino artisti.* **2**. *gepl. d.* Kinofilm, ekranda görkezilýän film. *Gyzykly kino.*

**KINOFILM** [kinofi:lim], *at.* Görkezmek üçin niýetlenen kino lentasy.

**KINOTEATR** [kinotiýa:tyr], *at.* Köpçülik öňünde kinofilmleri görkezmek üçin ýörite jaý, kino görkezilýän teatr. *Olar topar bolup, kinoteatra gidýärler.*

**KIP I**, *at.* Aşagynda ot ýakylyp, çaý suwy gaýnadylmak üçin ulanylýan uly gap, güp.

**KIP II**, *at.* Taraplary gönüburçlyk şekilinde boglan saman, bede. *Bir kip ýorunja bedesi. Bir kip saman.*

**KIPARLAMA** [kipa:rlama], *iş ady.* Kiparlamak ýagdaýy.

**KIPARLAMAK** [kipa:rlamak], *işl.* Diňere, dynara ýakynlamak, gowşamak, peselmek (ýagyş, çabga we ş.m. hakynda). *Daň atmaga az galandyr diýlip çaklanýardy, çabga kiparlady* (A. Gowşudow).

**KIPARLAMAKLYK** [kipa:rlamaklyk], *iş ady.* Kiparlamak ýagdaýy.

**KIPARLAMAZLYK** [kipa:rlamazklyk], *iş ady.* Kiparlaman ýagmaklyk.

**KIPARLAÝYŞ** [kipa:rlaýyş], *iş ady.* Kiparlamak ýagdaýy.

**KIR**, *at.* **1**. Geýime, tene ýokan hapa, ýok, çyrşak, galçak. *Kagyzlarynyň gyrasy ýyrtyk-ýyrtyk, sahypalaryna el kiri düşüp, yz galdyryp gidipdir* (N. Saryhanow). **2**. *göç. m.* Hapa, kir bolan geýim-gejim. *Ol aýal daşarda kir ýuwup otyr.*

◊ **Kiri ýüzüne almak** kiri mese-mälim bildirip durmak, derrew kiri ýäzünde görnüp durmak. *Köýnegimiň matasy kiri ýüzüne alagan mata eken.*

**KIRBEŇKE** [kirveňke], *at.* 409,5 grama deň bolan agyrlyk ölçegi.

**KIRBEŇKELEMEK** [kirveňkelemek], *işl.* Bir kirbeňke möçberinde edip ölçemek.

**KIRBEŇKELEMEKLIK** [kirveňkelemeklik], *iş ady.* Kirbeňkelemeklik ýagdaýy.

**KIRBEŇKELEMEZLIK** [kirveňkelemezlik], *iş ady.* Kirbeňkeläp ölçemezlik.

**KIRBEŇKELIK** [kirveňkelik], at. Bir kirbeňke zat çeker ýaly agramy kirbeňkä deň bolan çeküw daşy.

**KIREŇ**, *at.* **1**. *ser.* **Kir I**. *Ol düýbünden kireň degmedik owadan halynyň ýüzüni dyrmaýardy.* **1**. *göç.m.* Erbet niýet, närazylyk, nägilelik. *Göwnünde çigit ýaly kireň bolmadyk Hoşgeldi bolsa öňki oturyşyny üýtgetmän, bu boluşlara perwaýsyz garap otyrdy* (A. Gowşudow).

**KIREŇSIZ**, *syp.* **1.** Kir ýoky bolmadyk, kir-kimirsiz, arassa. *Ol ýigidiň sadap ýaly kireňsiz ak dişleri ýyldyrady* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Päk, ýamanlyksyz. *Ol kireňsiz ýüregini açyp başlady.*

**KIREÝ**, *at.* Ulanylmaga wagtlaýyn alnan jaý, ulag üçin eýesine berilýän hak, töleg.

◊ **Kireýine almak** birinden hakyny töläp, wagtlaýynça ulag, jaý almak. **Kireýine bermek** hak almak maksady bilen birine mal, jaý bermek.

**Kireýsiz kilim kakmazlyk** hak alman hiç iş etmezlik, sähelçe iş üçin pul talap etmeklik.

**KIREÝÇI**, *at, ser.* **Kireýkeş.**

**KIREÝKEŞ**, *at.* Öz maly bilen kireý edýän adam, kireýine iş edýän adam.

**KIREÝKEŞLIK**, *at.* Kireýkeşiň kesp-käri, ýerine ýetirýän işi. *Ol galla daşap, kireýkeşlik edýär.*

**KIRIGIŞ** [kiriğiş], *iş ady.* Kirikmek ýagdaýy.

**KIRIKDIRMEK**, *işl., ser.* **Kirjikdirmek**.

**KIRIKME**, *iş ady.* Kirikmek ýagdaýy.

**KIRIKMEK**, *işl., ser.* **Kirjikmek**. *Men bu jaýda ýeke däldim, ýanaşyk krowatyň aýagujunda kirigen tor maýka asylgy durdy* (T. Gurbanow).

**KIRIKMEKLIK**, *iş ady.* Kirikmek ýagdaýy.

**KIRIŞ**, *at.* **1**. Dutar, gyjak ýaly saz gurallaryna dakylýan, ýüpekden işilen ýa-da polat simden edilen tar. *Çünki ol gazana garanjaklap oturýan, orta pul düşmese, dürli bahanalar tapyp hezil bermeýän, dutarynyň kirşini üzýän bagşylardan däldi* (N. Saryhanow). **2**. Ýaýyň iki ujuna daňylýan we oky saklamak üçin örme, işme ýüp. *Ýaýyň kirşi.***3**. Jaýyň düýbi tutulanda ölçemek, kerpiji göni örmek üçin çekilýän ýüp, sapak. *Ol kerpiji kiriş tutup örýärdi.*

**KIRIŞLEME**, *iş ady.* Kirişlemek ýagdaýy.

**KIRIŞLEMEK**, *işl.* **1**. Kiriş etmek, kiriş dakmak (dutara, ýaýa). *Dutary kirişlemek.* **2**. Kiriş tutmak, kiriş çekmek (gurluşykda). *Kirişläp kerpiç örmek.*

**KIRIŞLEMEKLIK**, *iş ady.* Kirişlemek ýagdaýy.

**KIRIŞLENMEK**, *işl.* Kiriş tutulmak, kiriş çekilmek. *Dutar kirişlendi. Kirişlenmän örülen diwar göni çykmandyr.*

**KIRIŞLETMEK**, *işl.* Kirişlemek işini başga birine etdirmek, kiriş tutdurmak, kiriş çekdirmek. *Dutary kirişletmek.*

**KIRIŞLEÝIŞ**, *iş ady.* Kirişlemek ýagdaýy.

**KIRIŞLI**, *syp.* Kiriş dakylýan, kiriş dakylyp çalynýan. *Kirişli saz gurallarynyň, üflenip çalynýan we kakylyp çalynýan saz gurallarynyň sazlaşygy gerek* ("Watan").

**KIRJIKDIRMEK**, *işl.* Sähelçe kirletmek, çala kir ýokdurmak, azrak kirletmek. *Köýnegiň ýakasyny bir gün geýeňde kirjikdiripsiň.*

**KIRJIKME**, *iş ady.* Kirjikmek ýagdaýy.

**KIRJIKMEK**, *işl.* Sähelçe, azrak kirlemek, kirläp başlamak. *Egniňdäki eşikleriňi çalşyrmaly bolupdyr, olar meýdanda işläniňde kirjigipdir.*

**KIRJIKMEKLIK**, *iş ady.* Kirjikmek ýagdaýy.

**KIR-KIMIR**, *at.* **1**. Bir zada degen ýok, çyrşak, gara, hapa, çaň, tozan. *Işiň gyzgalaňly gidýänini, kir-kimirden gaçmaýanyňy egniňdäki eşigiň hem tassyklaýar* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç. m.* Nägilelelik, närazylyk. *Olaryň göwnünde kir-kimir ýokdy* ("Edebiýat we sungat").

**KIRLEGEN** [kirleğen], *syp.* Tiz-tizden kirleýän, kiri ýüzüne alagan, kirlegiç.

**KIRLEGIÇ** [kirleğiç], *syp., ser.* **Kirlegen**.

**KIRLEME**, *iş ady.* Kirlemek ýagdaýy.

**KIRLEMEK**, *işl.* Kir bolmak, hapa ýokuşmak, garagäz bolmak. *Gara saçlary bulaşypdyr, kirläpdir* (B. Kerbabaýew).

**KIRLEMEKLIK**, *iş ady.* Kirlemek ýagdaýy.

**KIRLEMEZLIK**, *iş ady.* Kirlemek katdyna ýetmezlik.

**KIRLEŞMEK**, *işl.* Kirläp ugramak. *Köýnegiň ýakasy kirleşipdir.*

**KIRLETDIRMEK**, *işl.* Kir, hapa ýokdurtmak, garagäz etdirmek.

**KIRLETMEK**, *işl.* Kir ýokuşdyrmak, hapalamak, garagäz etmek. *Köýnegiň ýakasyny kirledipsiň.*

**KIRLEÝIŞ**, *iş ady.* Kirlemek ýagdaýy.

**KIRLI**, *syp.* Çyrşakly, hapa bolan, kirlän, gäzli, galçakly. *Onda çekilen suratyň biri agzy çörekli, ýüzi kirli, bir aýagy ýalaňaç, bir aýagy gaply oglandy* (H. Ysmaýylow).

**KIRLIK**, *at.* **1**. Ýaş çaga üçin ýörite tikilýän ýeňsiz, iki ýanyndan çäk açylan geýim, nagyşlanyp tikilýän kürte. **2**. Çaga naharlananda boýnundan asylýan ýakalyk, öňlük.

**KIRLIKLIK**, *syp.* Kirlik etmäge ýaraýan, kirlik tikmek üçin niýetlenen. *Kirliklik mata.*

**KIRLILIK**, *at.* Kirlän ýagdaýda bolmaklyk, hapalyk, çyrşaklyk, gäzlilik. *Kirlilik gowy zat däl.*

**KIRPI**, *at.* Bedeniniň arka tarapy tikenli bolan we düýrlenip bilýän jandar. *Kirpiler, esasan, her dürli mör-möjekler, maýda oňurgalylar, şol sanda ýylanlar, az-kem ösümlik bilen iýmitlenýär.*

**KIRPIGÜL** [kirpiğül], *at.* Boýy 40-50 *sm* ýetýän köpýyllyk ýabany derman ot.

**KIRPIK**, *at.* Gabagyň gyrasyna çykýan gysgadan gaty gyl.

◊ **Kirpigiň kaklyşmazlyk** uzak wagtlap uklap bilmezlik ýa-da uklamazlyk. *Enäniň kirpikleri biri-birine kaklyşmady.*

**KIRPIKMEN**, *syp.* Uzyndan gür kirpikli. *Meret aganyň döşüni ýapyp duran sakgaly, kirpikmen gözleriniň üstüne kölege salyp duran ösgün gaşlary bardy* (A. Gurbanow).

**KIRSABYN** [kirsa:vyn], *at.* Düzümi ýaglardan we aşgarlardan durýan ýuwujy gaty ýa-da ergin görnüşli madda.

**KIRSIZ**, *syp.* **1**. Arassa, päkize. *Kirsiz köýnek.* **2**. *göç.m.* Arassa, açyk, bulutsyz. *Kirsiz asmana göterilen gün jümle jahany özüniň kümüş nury bilen gark edýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**KIRSIZLIK**, *at.* Kiri ýokluk, arassalyk, päkizelik, tämizlik. *Asmanyň kirsizligi aýnany ýada salyp durdy.*

**KIRŞEN**, *at.* **1**. Torç edilen ýoldaky toprakdan ýa-da gumdan emele gelýän örän maýda tozan, çaň, toz. **2**. *göç.m.* Tozan, bulut, tot-tozan. *Käýerde gezmeläp ýören topbajyk bulutlar diýäýmeseň, asmanda kirşen ýokdy* (T. Gurbanow).

**KIRŞENLI**, *syp.* Çaňly, tozanly, gertli. *Kirşenli ýol.*

**KIRŞENSIZ**, *syp.* **1**. Kirşeni, tozany bolmadyk, çaňsyz, tozsuz. **2**. *göç. m.* Tozansyz, totsuz, açyk. bulutsyz. *Aý aýdyň aýazly gyş gijesi, kirşensiz asmanyň ýüzünde ýyldyzlar ýyldyraşýar* (A. Gowşudow).

**KIRTILDETMEK** [kirtilletmek], *işl.* Kirt-kirt edip çeýnemek. *Olar otlary kirtildedip ýörüşlerine guýa ýakynlaşdylar* ("Edebiýat we sungat").

**KIRTILDI** [kirtilli], *at.* Owlak-guzy ter ot, paçak we ş.m. iýende çykýan sesiň ady. *Gök ýorunjany işdämen iýýän guzynyň kirtildisi eşidilýärdi.*

**KIRT-KIRT**, *s. ş. aňl. söz.* Owlak-guzy ter ot, paçak we ş.m. iýende çykýan sesler.*Owlajyk kirt-kirt edip terje palaç çeýneýärdi.*

**KIRÝA**, *at, senetç.* Inçe uzyn sim almak üçin kümüş sozulýan ululy-kiçili deşikli, ýasy, galyň demir, simkeş.

**KIRÝUWAN** [kirýuwon], *at.* Kir ýuwmak üçin taz, kir ýuwulýan gap, legen. *Kirýuwana eşik salyp, paşyrdadyp oturan gyz, Çepbesine gyýa garap, tawus ýaly owsunýardy* (K. Gurbannepesow).

**KISE** [ki:se], *at.* **1**. *gepl. d.* Egin-eşikde pul, ownuk-uşak zat salmak üçin oturdylýan jübi. *Ussat garma donunyň kisesinden ullakan gülli ýaglygyny alyp, derini arkaýyn süpürdi* (A. Nazarow). **2**. *ýerli g.* Goş-golam, azyk we ş.m. salmak üçin halta. *Bir kise un.*

◊ **Kisäňde (jübiňde) it uwlamak** pulsuz kösenmek, sowalgasyz, harjysyz galmak.

**KISLOROD** [kislaro:t], *at.* Howanyň düzümine girýän, dem almak üçin zerur bolan, wodorod bilen birleşende suw emele getirýän reňksiz we yssyz gaz, himiki element. *Tohumlaryň ösmegi üçin kislorod zerur.*

◊ **Kislorod ýassygy** dem almak üçin içi kislorodly ýassyk, lukmançylyk enjamy.

**KISLOTA** [kislata], *at.* Düzüminde wodorod bolup, adatça turşy tagamly we lakmus kagyzyny gyzyl reňke öwürýän himiki birleşme.

**KIŞDE**, *at.* Guradylan erik, ülje, alma ýaly miweler , pomidor we ş.m. gök önümler. *Henize çenli kişiniň ýekeje kişdesini hem gozgan däldir* (B. Kerbabaýew). *Erik kişdesi. Pomidor kişdesi.*

**KIŞDELIK**, *syp.* Kişde eder ýaly , kişde etmäge ýararly (miweler). *Kişdelik erik.*

**KIŞEN**, *at.* Tussagyň, gaçgagyň aýagyna salynýan gandal, zynjyr.

**KIŞENLEMEK**, *at.* Tussagyň ýa-da gaçgagyň aýagyna kişen salmak. *Aýagym kişenläp, baglasaň elim...* (Talyby).

**KIŞENLENMEK**, *işl.* Tussagyň aýagyna kişen salynmak.

**KIŞENLETMEK**, *işl.* Tussagyň aýagyna kişen saldyrmak.

**KIŞI**, *at.* **1**. Adam, ynsan. *Orta ýaşan bir kişi köçe bilen parahat barýardy. Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer). **2**. Özge, başga biri. *Kişi ýerine agaç ekseň, biwagt palta sesini eşidersiň* (Nakyl). *Öz ryzkyna hiç kanagat etmedik, Gözün diker, kişi aşyna zar bolar* (Magtymguly).

**KIŞILIK**, *syp., at.* **1**. Adama mynasyp, mertlik, edermenlik, gaýratlylyk. *Tüweleme, kişilik iş edipsiň.* **2**. Bir adama ýeterlik ýa-da birnäçe adama bolarlyk. *Gymmat baha matadan dört kişilik goýmaklygyny buýurýar.* **3**. *göç. m.* Erkeklik. *Ýagşy, ýer titrände gelni bilen çagasyny aldyrany azmydy, onuň üstesine, özüniň hem kişiligini ýitirenmişin* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kişilik satmak** men-menlik etmek, ýerliksiz öwünmek, batyrlyk etmek.

**KIŞMIR**, *at. haýwanat d.* Uzyn aýakly, togalak kelleli möjejik. *Jan howpundan bolar akyly haýran, Ýylan kişmir görse öler bigüman* (Magtymguly). *Osalny aňtan kişmir, Mur ýanynda bellidir* (Zelili).

**KIŞMIRI,** *ser.* **Kişmir.**

**KIŞMIŞ**, *at.* Bişen üzümden serlip guradylan tagamly önüm, iýmit.

**KIŞMIŞI**, *syp.* **1**. Üzümiň ownuk, dänesiz hasyl getirýän görnüşi. *Kişmişi üzüm agajy.***2**. Şol üzümiň dänesiz hasyly. *Gowy kişmiş kişmişiden bolýar.*

**KIŞŇEME**, *iş ady.* Kişňemek ýagdaýy.

**KIŞŇEMEK**, *işl.* Hokranyp ses etmek (gylýallar hakynda). *Gygyryp kişňeşine, Annaň keýpi kökelýär* (A. Alamyşow). *Dordepel agyzzyrygyny çeýnäp kişňedi* (A. Gowşudow).

**KIŞŇEMEKLIK**, *iş ady.* Kişňemek ýagdaýy.

**KIŞŇEMEZLIK**, *iş ady.* Kişňäp seslenmezlik.

**KIŞŇEŞMEK**, *işl.* Köpçülikleýin kişňemek, birnäçe bolup kişňemek. *Atlar kişňeşip, sygyrlar molaşýardy.*

**KIŞŇETMEK**, *işl.* Gylýal malyny hokrandyryp seslendirmek. *Gyr atyny kişňedip, geldi bir gün öýmüze* (B. Kerbabaýew).

**KIŞŇEÝIŞ**, *iş ady.* Kişňemek ýagdaýy.

**KIŞŞIK-KIŞŞIK**, *s.ş. aňl.söz.* Bäbek ýa-da ýaşajyk çaga güýmelende, çaganyň ünsüni çekmek üçin aýdylýar. *Ol gundagly çagany kişşik-kişşik edip güýmeýärdi.*

**KIŞŞIKLEME**, *iş ady.* Kişşiklemek ýagdaýy.

**KIŞŞIKLEMEK**, *işl.* **1**. Kişşik-kişşik edip güýmemek, çagaň ünsüni çekmek üçin kişşik-kişşik etmek. *Çagany kişşikläp güýmemek.* **2**. *göç. m.* Ýaranjaňlyk etmek, gülüm-ýalym etmek. *Seniň geleňsizligiň zerarly, men niçesar goňşy-golamyň maşgalasyny kişşikläýin!* (B. Kerbabaýew).

**KIŞŞIKLEMEKLIK**, *iş ady.* Kişşiklemek ýagdaýy.

**KIŞŞIKLENMEK**, *işl.* Kişşik-kişşik edilmek. *Ol iki arada kişşiklenen ýaly, bir gezek Çarynyň ýüzüne, bir gezek Gözeliň ýüzüne seretdi* (A. Durdyýew).

**KIŞŞIKLETMEK**, *işl.* Kişşik-kişşik etdirmek. *Ol çagasyny gyzyna kişşikledip, özi öý işlerine meşgullanmaga başlady.*

**KIŞŞIKLEÝIŞ**, *iş ady.* Kişşiklemek ýagdaýy.

**KIŞŞÜW** [kişşüw / kişşüýw], *üml.* Dowary we käbir beýleki jandary kowmak üçin aýdylýar.

**KIŞŞÜWLEME** [kişşüwlömö], *iş ady.* Kişşüwlemek ýagdaýy.

**KIŞŞÜWLEMEK** [kişşüwlömök], *işl.* Dowar we käbir beýleki jandar kowlanda, gaýtarylanda kişşüw

edip seslenmek. *Kyrk ýyl kişşüwläp goýun bakanyň dilegi duş gelermiş diýýärler* (H. Derýaýew).

**KIŞŞÜWLEMEKLIK** [kişşüwlömöklük], *iş ady.* Kişşüwlemek ýagdaýy.

**KIŞŞÜWLEMEZLIK** [kişşüwlömözlük], *iş ady.* Kowmak üçin kişşüw-kişşüw etmezlik.

**KIŞŞÜWLEÝIŞ** [kişşüwlöýüş], *iş ady.* Kişşüwlemek ýagdaýy.

**KIŞŞÜWLÄBERMEK** [kişşüwlävermek], *işl.* Kişşüwläp başlamak.

**KIT**, *at.* Daş görnüşi balyga meňzeş, iri süýdemdiriji deňiz haýwany, läheň.

**KITAP** [kita:p], *at.* **1**. Içi tekstli ýa-da golýazmaly kagyz tagtalary daşlanan, sahaplanan görnüşindäki çap eseri. *Kitap bilen dostlaşyp, heniz ondan zyýan çeken ýok* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk). **2**. Köp sanly baplardan ybarat bolan edebi eseriň bölümi. *Romanyn birinji kitaby*. **3**. Ýazgylar üçin daşlanan arassa ýa-da öýjük-öýjük çyzykly kagyz tagtalary. *Hasaphana kitaby*.

◊ **Kitap açmak** köp kitap okamak ýa-da bir zady anyklamak üçin her hili kitaplary okap, agtaryp çykmak. *Kitap açyp, ança dine duş bolup, Yslam haýsy, gurhan haýsy, bilmedim* (Magtymguly).

**KITAPÇA** [kita:pça], *at.* Göwrüm taýdan kiçiräk kitap, kiçijik kitap.

**KITAPHANA** [kita:pha:na], *at.* Çap bolup çykan kitaplar, gazet-žurnallar saklanýan we okyjylar köpçüliginiň olary okamagy üçin mümkinçilik döredýän edara.

**KITAPHANAÇY** [kita:pha:naçy], *at.* Kitaphanada işleýän adam, kitaphananyň işgäri.

**KITAPHON** [kita:pho:n], *at, ser.* **Kitapsöýüji**.

**KITAPSÖÝÜJI** [kita:psöýüji], *at.* Kitap okamagy gowy görýän, onuň gadyr-gymmatyny bilýän, kitapçyl.

**KITAPSÖÝÜJILIK** [kita:psöýüjilik], *at.* Kitap okamagyň gadyr-gymmatyny bilijilik, kitapçyllyk. *Onuň kitapsöýüjiligi çeniň-çakyň däldir.*

**KITIR**, *at.* Çaý gaýnatmak üçin jüründikli demir tüňňür, gap.

**KITIRDEME**, *iş ady.* Kitirdemek ýagdaýy.

**KITIRDEMEK**, *işl.* Agza gant ýa-da ş.m. gaty zat atylyp çeýnelende kitirdili ses çykmak.

**KITIRDEMEKLIK**, *iş ady.* Kitirdemek ýagdaýy.

**KITIRDETDIRMEK**, *işl.* Kitirdili ses çykartdyrmak.

**KITIRDETMEK**, *işl.* Gaty zady kitirt-kitirt edip iýmek. *Owlajyk gökje ter otlary kitirdedýärdi.*

**KITIRDEWÜK** [kitirdöwük], *syp.* Kitirdili ses çykarýan, kitirdäp duran. *Kitirdewük köke.*

**KITIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Kitirdemek ýagdaýy.

**KITIRDI**, *at.* Mal ter ot, bede ýa-da adam gaty zat iýende çykýan sesiň ady. *Körpe ýorunja iýip duran guzynyň kitirdisi eşidilýärdi.*

**KITIR-KITIR**, *at, ser.* **Kitirt-kitirt**. *Guzujyk terje oty çeýnäp, kitir-kitir edýärdi.*

**KITIRT-KITIRT**, *s. ş. aňl. söz.* Mal ter ot, bede ýa-da adam gaty zat çeýnände çykýan sesler.

**KITÜW**, *at.* Bir zat sebäpli ýürekde galýan kine, öýke;öç. *Içiňde näme kitüwiň bolsa, dök-de, dyn!*

**KITÜWLI** [kitüwlü], *syp.* Ýüreginde kitüw galan. *Ol ondan kitüwli ýalydy. Ol birnäçe wagt mundan ozal ölen towugyny Japbaklardan görüp, olardan ýaňa içi kitüwlidi* (B. Kerbabaýew).

**KITÜWLILIK** [kitüwlülük], *at.* Kitüwi barlyk, kitüwsiz dällik.

**KIZ** [ki:z], *at.* Keçe. *Adam bardyr, körpe ýanyn agyrdar, Adam bardyr, şal, kiz ýanyna degmez* (Magtymguly).

**KLARNET** [klarne:t], *at.* Üflenip çalynýan saz guraly.

**KLARNETÇI** [klarne:tçi], *at.* Klarnet çalýan sazanda. *Çagalar öýünde terbiýelenýänleriň arasynda zehinli klarnetçiler hem bar*.

**KLAS** [kla:s], *at.* **1**. Ýere her tarapy üç öýden, jemi alty öýden ybarat dörtburçluk çyzylyp, bir aýakda towsaklap, ýasyja daş ýa-da gutujyk aýagyň ujy bilen bir öýden ikinji öýe geçirilip oýnalýan çaga oýny. *Olar tekizje ýerde klas oýnaýardylar*. **2**. Bir işde hünäriň, taýýarlygyň derejesi. *Üçünji klas sürüjisini taýýarlaýan okuw açyldy*. **3**. Sazçylyk mekdeplerinde aýratyn bölüm. *Dutarçylar klasy.* **4**. *taryh.* Şol bir okuw ýylynyň okuwçylar topary, synp. *Altynjy klasda okaýan Şaguly dagy orlan bugdaý başlaryny tagarlara, çuwallara salyp, majarda* döwege çekýärdiler. Ikinji, üçünji klaslaryň oglanlary harmanda işleýärdiler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). *Körpe jigim ak hek alyp eline, Klas tagtasyna adyny ýazdy* (M. Seýidow).

**KLASSYK** [kla:ssyk], *at.* Nusga bolarlyk eserleri hemmeler tarapyndan ykrar edilen ylym, sungat we edebiýat işgäri. *Türkmen klassyklary.*

**KLASSYKY** [kla:ssyky], *syp., taryh.* Klassyklar tarapyndan döredilen, nusgawy. *Türkmen klassyky edebiýaty.*

**KOD** [ko:t], *at.* Telefonda, telegrafda, radioda we ş.m. maglumatlary almak-bermek üçin şertli belgileriň ýa-da yşaratlaryň ulgamy. *Telegraf kody.*

**KODLAŞDYRMA** [ko:tloşdurmo], *iş ady*. Iberilýän habarlary kodlara öwürme (maglumatlar bir ýere iberilende, gaýtadan işlenende we saklananda ulanylýar).

**KOFE** [ko:fe], *at.* **1**. Kofe agajy adyny alan tropik ösümligiň däneleri. **2.** Şol däneler üwelip taýýarlanýan içgi.

**KOK,***at.* Ys, ys-kok. *Mazudyň koky burnuňa uryar.*

**KOKAMA** [kokomo], *iş ady.* Kokamak ýagdaýy.

**KOKAMAK** [kokomok], *işl.* Ys ýaýramak, kükemek.

**KOKAŞMAK** [kokoşmok], *işl.* **1**. Köp ýerden ys gelmek, ys ýaýratmak, kükeşmek. **2**. *gepl. d* Guraşmak, *Onuň ýüz-gözleri kokaşyp durdy.*

**KOKAÝYŞ** [kokoýyş], *iş ady.* Kokamak ýagdaýy.

**KOKUN**, *at.* Gurban baýramda we Oraza baýramynda goňşy-golamlara çapady, byzmyk paýlap berilýän sadaka.

**KOLBASA** [kalvasa], *at.* Howa geçirmeýän içegä ýa-da emeli içege pisint ýörite gaba üwelgi et dykylyp taýýarlanan azyk önümi. *Görkezip goýlan kolbasalaryň, kemputlaryň emendiriji görnüşi onuň agzyny suwartdy* (N. Jumaýew).

**KOLHOZ** [kalho:z], *at, taryh.* Kollektiw hojalyk (daýhanlaryň iri oba hojalyk önümçiligini bilelikde ýöretmek üçin kooperatiw birleşigi). *Şol gün günortan bolsa kolhoz harmantoý berdi. Ol ýeke-täk esasy ýol üç kolhoza bölünýän bu obanyň içinden geçip gidýär, çöle çykýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**KOLLEJ** [kolle:j] *at.* Ýörite orta bilim berýän mekdepleriň bir görnüşi.

**KOMBAÝN** [kamba:ýyn], *at.* Birnäçe maşynyň işini bir wagtda ýeke özi ýerine ýetirýän çylşyrymly maşyn. *Däne ýygnaýan kombaýn.*

**KOMBAÝNÇY** [kamba:ýynçy], *at, syp.* Kombaýn sürýän adam.*Kombaýnçy ýigit.*

**KOMBAÝNÇYLYK** [kamba:ýynçylyk], *at.* Kombaýnçy bolmaklyk, kombaýn sürüjilik käri. *Talyplara sürüjilik, kombaýnçylyk kärlerini hem öwredýärler.*

**KOMEDIÝA** [kome:diýa], *at.* **1**. Gülküli sýužetli drama eseri we şol eseriň esasynsa sahnada goýlan oýun. **2**. *göç. m.* Gülküli waka, tomaşa. *Kakamyň bu sözlerine ejem jyzzyk bolýar, ana, ondan soň komediýa başlanýar* (A. Annaberdiýew).

**KOMMUNIKASIÝA** [kommunika:siýa], *at.* **1**. Gatnaw ýollary, howa ýollary. **2**. Energiýa, gaz, ýylylyk we suw üpjünçilik ulgamlary. **3**. Aragatnaşygyň görnüşi (mysal üçin, telegraf, radio, telefon ).

**KOMPANIÝA** [kompa:niýa], *at.* Ýuridik we fiziki sahşlaryň, telekeçileriň bilelikde önümçilik, söwda, maliýe ýa-da başga bir ykdysady işi amala aşyrmak üçin birleşigi.

**KOMPAS** [ko:mpas], *at.* Dünýäniň taraplaryny görkezýän enjam (içindäki magnitli dili hemişe demirgazygy görkezýär).

**KOMPOT** [kampo:t], *at.* Suwda gaýnadylan miwelerden taýýarlanylýan süýji içgi.

**KOMPOZITOR** [kampazy:tyr], *at.* Saz eserini döredýän sazanda.

**KOMPÝUTER** [kompýu:ter], *at.* Elektron-hasaplaýjy maşyn, salnan programma laýyklykda işleýän gurluş.

◊ **Kompýuter wirusy** kompýuter programmasyndaky koduň öz-özünden köpelmäge we başga kompýuterlere geçmäge ukyply, şeýle-de kompýuteriň kadaly işlemegini bozmaga niýetlenen bölegi.

**KOMPÝUTERÇILIK** [kompýu:terçilik], *at.* Kompýutere degişli. *Kompýuterçilik tehnologiýa. Kompýuterçilik okuwy.*

**KONGRES** [kongire:s], *at.* **1**. Halkara gurultaýy. **2**. ABŞ-da kanun çykaryjy organ, parlament.

**KONDITER** [kandite:r], *at.* **1.** Süýji önümleri taýýarlaýan hünärmen. **2.** Süýji tagamly önümleriň önümçiligine we olaryň söwdasyna degişli. *Konditer önümleriniň dükany. Konditer fabrigi.*

**KONSEPSIÝA** [konse:psiýa], *at.* Ol ýa beýleki hadysa bolan garaýyşdan gelip çykýan özara baglanyşykly garaýyşlaryň sistemasy. *Ylmy konsepsiýa. Konsepsiýany işläp düzmek.*

**KONSERN** [konse:rn], at. Köp sanly senagat, maliýe we söwda kärhanalarynyň birleşigi (birleşige girýän kärhanalaryň her biri özüniň ýuridik şahs bolmak hukugyny saklap, maliýe taýdan birleşigiň tabynlygynda işleýär).

**KONSERT** [kanse:rt], *at.* Bagşy-sazandalaryň jemagatyň önünde edýän çykyşy.

**KONSERWATORIÝA** [konserwato:riýa], *at.* Ýokary sazçylyk mekdebi.

**KONSTITUSIÝA** [konstitu:siýa], *at.* Döwletiň esasy kanuny ýa-da esasy kanunlarynyň jemi. *Türkmenistanyň konstitusiýasy.*

**KONSULTANT** [konsulta:nt], *at.* Konsultasiýalar berýän hünärmen; öz hünäri boýunça konsultasiýa berýän hünärmen.

**KONSULTASIÝA** [konsulta:siýa], *at.* **1**. Haýsydyr bir iş, mesele boýunça hünärmenleriň geçirýän maslahaty. *Ýuristleriň maslahatyny çagyrmak.* **2**. Hünärmen tarapyndan berilýan maslahat. *Konsultasiýa almak. Konsultasiýa bermek.* **3**. Hünärmenleriň maslahaty bilen ilata kömek edýän edara. *Ýuridik konsultasiýa. Çagalar konsultasiýasy.* **4.** Mugallymyň okuwçylar bilen geçýän goşmaça sapaklary. *Synagdan öň bolýan konsultasiýa. Fizikadan konsultasiýa gatnaşmak.*

**KONÝUNKTURA** [konýunktu:ra], *at.* Emele gelen ýagdaý. *Türkmenistanyň halkara sebit guramalaryna gatnaşmak mümkinçiligi howul-hara syýasy konýunktura arkaly däl-de, bileleşigiň uzak möhletleýin maksada laýyklygy hem-de ykdysady geljegi bilen kesgitlenilýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**KOSMETIKA** [kosme:tika], *at.* Emeli ýol bilen ýüze we bedene gözellik, görk, terlik bermek üçin ulanylýan dürli görnüşdäki serişde. *Bejergi kosmetikasy. Kosmetika dükany.*

**KOSMONAWT** [kasmana:vt], *at.* Älem gämilerinde kosmosy, älemi öwrenmek üçin uçýan adam; kosmosa uçujy. *Kosmonawtlaň ýoly ýaly uzasyn, Taraňyzdan akýan dürli matalar* (M. Seýidow).

**KOSMOS** [ko:smos], *at.* Älem.

**KOSTÝUM** [kassu:m], *at.* Erkek adamyň (penjek we balak) ýa-da aýal maşgalanyň (penjek we ýubka, penjek we balak) daşky eşigi.

**KOSTÝUM-BALAK** [kassu:m-balak], *at, gepl.d., ser.* **Kostýum.**

**KOWAHAT**, *at.* Musulmançylykda kabul edilen umumy düzgün, ýörelge, dessur. *Beýle ýagdaýlar türkmen kowahadyna sygmaz* (B. Kerbabaýew).

**KOWALAMA** [kowolomo], *iş ady.* Kowalamak ýagdaýy.

**KOWALAMAK** [kowolomok], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady tutjak bolup yzyndan ylgamak. *Obanyň ähli itlerem, bir ýagy kowalaýan ýaly, wagyrdaşyp yzymyza düşdi* (B. Gulow). **2**. *göç. m.* Bir zadyň ugrunda bolmak.

**KOWALAMAKLYK** [kowolomokluk], *iş ady.* Kowalamak ýagdaýy.

**KOWALAMAZLYK** [kowolomozluk], *iş ady.* Tutjak bolup, yzyndan ylgamazlyk

**KOWALANMAK**, *işl.* Bir zadyň yzyndan ýetjek bolup ylganmak.

**KOWALAŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-biriňi kowalamak. **2**. *göç. m.* Bir zadyň yşgyna düşmek, bir zadyň ugrunda selpemek. **3**. Ýakynlamak, golaýlamak, alkymlap barmak (ýaş hakynda). *Ol altmyşa kowalaşyp barýardy* (B. Seýtäkow).

**KOWALATMAK**, *işl.* Biriniň yzyndan ýetmek üçin ylgatmak, kowdurmak.

**KOWALAÝYŞ**, *iş ady.* Kowalamak ýagdaýy.

**KOWÇUM**, *at.* **1**. Uzak, ýakyn dogan-garyndaş, kowum. *Oňa olar edil öz ýakyn kowçumyna ynanýan ýaly iç syrlaryny ynynýardylar* (N. Jumaýew). **2**. Topar, toplum, üýşmek. *Tüweleý dargadan pişge ýaly dagynyk işleri-de bir kowçuma toplap, towy ýeten ýüp ýaly bükdürerlik ynam bardy* (B. Kerbabaýew).

**KOWÇUM-KOWÇUM**, *at.* **1**. Uzak-ýakyn dogan-garyndaşlar topary, kowumlar; topar-topar, toplum-toplum, üýşmek-üýşmek. *Yzda galdy kowçum-kowçum menziller* (K. Gurbannepesow).

**KOWDURMAK**, *işl.* Birini bir ýerden gider ýaly etdirtmek, çykartmak, boşatdyrmak.

**KOWGUÇY** [kowğuçy], *at.* Biriniň yzyndan ýetip tutmak üçin kowujy, kowga gatnaşýan adam ýa-da topar. *Kowguçylar ýyndam ata atlanyp häzirlenip durdular* (B. Kerbabaýew).

**KOWGY** [kowğy], *at.* Biriniň yzyndan ýetip tutmak üçin iberilen adamlar.

**KOWHA-KOW** [kowha:-kow], *at.* Başly-barat kowgy, ýerli-ýerden kowalaýyş. *Ol kowha-kowda-da özüni ýitirmedi* (B. Kerbabaýew).

**KOWMA** [kowmo], *iş ady.* Kowmak ýagdaýy.

**KOWMAK** [kowmok], *işl.* **1**. Biriniň yzyndan ýetmek üçin ylgamak, söbügini sydyrdyp ylgamak. *Menem onuň yzyndan kowdum* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Bir ýerden (öýden, işden we ş.m.) çykarmak, boşatmak. **3**. Yzyna eýermek, yzyna eýerip goşup çalmak (saz hakynda). *Diňe öz aýdymyny kowardy* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Bir zady sürmek, sürüp äkitmek; bir ýerden ikinji ýere geçirmek. *Sürini islän tarapyňa kowmak.* **5**. *göç.m.* Talagyny bermek, nikany bozmak, boşatmak.

**KOWMAKLYK** [kowmokluk], *iş ady.* **1**. Kowmak ýagdaýy. **2**. Biriniň yzyndan ýetjek bolup gidilmek; ýöriş edilmek. *Olaryň yzlaryndan kowuldy.*

**KOWUM**, *at.* Adamlaryň nesil we garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Asylkysyny aýdanda, eger seniň duluňda hemme esbaplary bilen üpjün ala tow hyrlyň asylgy duran bolmasa ýa-da duluňda päkize jöwher gylyjyň tärimiň başyndan asylgy bolup, işigiňde-de kişňäp duran atyň bolmasa, seniň gapyňda daýhançylyk esbabynyň müňüsi üýşsün, harwar-harwar jöwen, bugdaý, arpa hasyl al, tapawudy ýok, dir gürrüňçilikde birden sen gatyrak güläýseň, ilki bilen öz kowumyňdan biri: "Sen näme gürleýäň, bar çaýryňy çap" diýer* (A. Gowşudow).

**KOWUMDAŞ** [kowumdoş], *at.* Bir kowumdan, nesilden bolan, kowumy bir (adamlar). *Olaryň asly kowumdaş. Kowumdaş halklar.*

**KOWUMDAŞLYK** [kowumdoşluk], *at.* Kowumy birlik, kowum, nesil taýdan garyndaşlyk. *Olaryň kowumdaşlygy örän uzakdan başlanýar.*

**KOWUM-GARDAŞ** [kowum-ğardaş],*ser.* **Kowum-garyndaş**. *Saklady içinde çykarman daşa, Diýmedi dost-ýara, kowum-gardaşa* (A. Kekilow).

**KOWUM-GARYNDAŞ** [kowum-ğarynnaş], *at.* Bir nesilden bolan adamlar, ýakyn we daşgyn garyndaşlar, ilen-çalan.

**KOWUM-GARYNDAŞLYK** [kowum-ğarynnaşlyk], *at.* Kowum-garyndaşlaryň nesil gatnaşygynyň ýagdaýy, ata-baba bir nesle degişlilik. *Olaryň kowum-garyndaşlyk gatnaşygy bar.*

**KOWUM-HYŞ** [kowum-hy:ş], *at, ser.* **Kowum-garyndaş**.

**KOWUS**, **1**. *at, k. d.* Ýaý. **2**. *at.* Ýyldyz ady. **3**. Şemsi ýyl hasabynda dokuzynjy aýyň ady. **4**. Oglana dakylýan at.

**KOWUŞ**, *iş ady.* Kowmak ýagdaýy.

**KOWUŞMAK** [kowuşmok], *işl.* **1**. Bir ýerden başga bir ýere kowmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde kowmak.

**KOÝ**, *at, kön. s.* Goýun. *Mertler jeňde, toý içinde, Aç börüler koý içinde* (Magtymguly). *Çörde san bar, onda san ýok, Geçileri-koýlary bar* (K. Gurbannepesow).

**KÖÇE** [köçö], *at.* Ulagly gatnamak, ýöremek üçin giň ýol, daş ýol, gara ýol.

◊ **Köçe gürrüňi** ugursyz, bolgusyz gürrüň. *Köçe gürrüňini ýaýradyp ýörmezler!* **Köçä sygmazlyk** özüňi hondanbärsi saýmak, çişmek, gomparmak.

**KÖÇEME-KÖÇE** [köçömö-köçö], *at.* Köçe yzyndan köçe (aýlanyp görme, garama, çykma).

**KÖH** [kö:h]: **köhi gelmek** *ser.* **Göhi gelmek**. *Şeýle bir bolmasy waka bolaýsa, ondan soň obanyň gepçi aýallarynyň köhi gelýär* (A. Gowşudow).

**KÖJE** [kö:jö], *at.* Et, sogan goşulyp, jöwenden bişirilýän, taýynlanýan nahar. *Ýetim aşy ýarma köje, ol hem bişer ýary gije (Nakyl). Parh bilmeze ýarma-da bir, köje-de* (Nakyl).

**KÖJELIK** [kö:jölük] **I**, *syp.* Köje üçin ýararly, köje bişirer ýaly. *Köjelik jöwenimizem öz ýanymyzdan öndi* (A. Gowşudow).

**KÖJELIK** [kö:jölük] **II**, *at.* Kösükli, däneli şorja mal oty.

**KÖJELMEK** [köjölmök], *işl.* Köjemek işi ýerine ýetirilmek. *Agzy köjelen çuwallar.*

**KÖJEME** [köjömö], *iş ady.* Köjemek ýagdaýy.

**KÖJEMEK** [köjömök], *işl.* Çuwalyň, horjunyň we ş.m. agzyny köji bagy bilen baglamak, gözemek. *Doly horjunyň agzyny köjemek.*

**KÖJEMEKLIK** [köjömöklük], *iş ady.* Köjemek ýagdaýy.

**KÖJEMEZLIK** [köjömözlük], *iş ady.* Köjemek işi ýerine ýetirilmezlik, edilmezlik.

**KÖJEŞDIRMEK** [köjöşdürmök], *işl.* Bir ýanyndan köjäp çykmak, yzly-yzyna köjäp gutarmak. *Ol horjunlary köjeşdirdi.*

**KÖJEŞMEK** [köjöşmök], *işl.* **1.** Köjemäge kömekleşmek. *Horjunlary köjeşmek.* **2.** Bilelikde köjemek. *Adamlar içi bugdaýly çuwallaryň agzyny köjeşip durdular.*

**KÖJI** [köjü], *at.* Çuwalyň, torbanyň, horjunyň agzyny köjemek üçin ulanylýan ýüp. *Ejem çaýy üç käsä guýup, olary sowatmaga goýdy-da, horjunyň köji bagyny çözmäge durdy* (H. Garabaýew).

**KÖJÜG** [köjüğ], *at.* Argyş çuwalyň, horjunyň agzyny köjemek üçin, agzynyň gyralaryna berkidilen halkalar. *Ol horjunyn köjüglerinden ýüp geçirişdirdi.*

**KÖJÜLIK** [köjülük], *syp.* Köji bolar ýaly, köji etmäge ýararly (ýüp). *Köjülik ýüp.*

**KÖJÜME** [köjümö], *at.* Köplenç, sanjylyp nagyş edilýän tikiniň bir görnüşi.

**KÖK I**, *at.* **1.** Ösümligiň ýerden ýokumly maddalary hem-de yzgar alýan ýerasty damarlary. *Çynaryň köki.* **2.** Bir zadyň özeni, düýbi, esasy. *Türkmenlere özleriniň beýik taryhy köklerini ýada salmak, özlerini dünýä jemgyýetçiliginiň doly hukukly we hormatly agzalary hökmünde ykrar etdirmek üçin örän az wagt gerek boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). **3.** *mat.* Derejä göterilende täze san berýän ululyk.

◊ **Kök urmak 1)** gögermek, gögerip çykmak, düýp almak. **2)** dürli ugurlar boýunça berkemek, çuň ornamak. *Şeýle çuň kök uran dostluk-doganlygy biz her ädimde syzdyk* ("Edebiýat we sungat"). **Köküne palta urmak** ösmez ýaly etmek, aýňalmaz ýaly etmek.

**KÖK II**, *at.* **1.** Biçilen eşigiň bölekleri süýşmez ýaly, iri-iri sanjylan wagtlaýyn tikin. *Ol köýnegiň ýeňiniň, ýanynyň köküni sökdi.* **2.** Deşilen tärimleri biri-birine baglaýan, çig hamdan edilen iki ujy düwünli gysgajyk tasma. *Ol gorkuly gözlerini töweregine aýlanda, tärimiň kökleri onuň görejine gülle bolup gezeldi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kök atmak** iri-iri sanjyp berkitmek, mata böleklerini tikmezden öň süýşmez ýaly etmek. *Ol çakgyjygyny çykaryp, haltaň agzana kök atylan sapaklaryny kesmäge başlady* (A. Gowşudow).

**KÖK III**, *syp.* Wagty hoş, oňat, gowy, gurgun. *Onuň keýpi kök, ökjesi ýeňildi* (A. Durdyýew).

**KÖK IV**, *at, gepl. d.* Öz öňünden gelen sözüň san, mukdar taýdan köpdügini görkezip gelýän söz. *Obada ýigit köki gyt däl welin, şonuň ýaly abraýlysy kän ýok ýaly-la* (T. Gurbanow).

**KÖKE** [kö:kö], *at.* **1.** Tamdyra ýapylyp bişirilýän kiçijik tegelek çörejik. *Saçak doly kökejik, men iýmäge köke ýok* (Matal). **2.** Süýji, süýt we ş.m. zatlar garylyp, süýji önümçiliginde taýynlanýan önüm.

**KÖKELIŞ** [kökölüş], *iş ady.* Kökelmek ýagdaýy.

**KÖKELME** [kökölmö], *iş ady.* Kökelmek ýagdaýy.

**KÖKELMEK** [kökölmök], *işl.* **1.** Keýpiň kök bolmak, keýpiň göterilmek. *Onuň şeýle bir keýpi kökeldi, hatda begenjinden şol gije ukusy hem tutmady* (A. Gowşudow). **2.** *gepl. d.* Näsaglykdan açylyp daýanmak, gowulanmak, oňatlaşmak.

**KÖKELMEKLIK** [kökölmöklük], *iş ady.* Kökelmek ýagdaýy.

**KÖKELMEZLIK** [kökölmözlük], *iş ady.* Keýpiň kök bolmazlyk.

**KÖKELTMEK** [kököltmök], *işl.* Keýpiňi kök etmek, keýpiňi götermek. *Ýaňky gürrüň onuň keýpini kökeltdi.*

**KÖKEN** [kökön], *at.* **1.** Owlak-guzy kökermek üçin uzyn ýüpe berkidilen halkaly bag(lar). *Eger sen şony hem äkidip, gyzyldan ahyr, kümüşden köken edip, ýagşy saklasaň, men seniň bilen gideýin – diýipdir* (Halk ertekisinden). **2.** Bäş barmaga dakylýan ýüzükleriň arasyny birleşdirýän zynjyr bag. *Onuň barmaklarynda köken bilen berkidilen ýüzük bardy.* **3.** *göç.* m. Zynjyr, bent.

**KÖKENEK** [kökönök]: **kökenek bolmak (germek)** çaganyň ýa-da başga biriniň ugrunda janyňy paralamak, bar zatdan penalajak bolmak, kükregiňi germek. *Ol çagam diýip kökenek bolýardy.*

**KÖKENLEME** [kökönlömö], *iş ady.* Kökenlemek ýagdaýy.

**KÖKENLEMEK** [kökönlömök], *işl.* **1.** Kökene baglamak, kökene daňmak, kökermek. *Bibi owlak-guzularyny kökenläp ýördi.* **2.** Bäş barmaga dakylýan ýüzükleriň arasyny köken, zynjyr bilen birleşdirmek.

**KÖKENLEMEKLIK** [kökönlömöklük], *iş ady.* Kökenlemek ýagdaýy.

**KÖKENLENMEK** [kökönlönmök], *işl.* Owlak-guzular kökene baglanmak. *Süriniň içindäki goýundyr geçiler kökenlenipdi.*

**KÖKENLEŞMEK** [kökönlöşmök], *işl.* Owlak-guzyny kökene baglaşmak. *Ol owlak-guzulary kökenleşip ýördi.*

**KÖKENLETDIRMEK** [kökönlötdürmök], *işl* Kökene baglatdyrmak, bir ýan ujundan kökene düzdürtmek (owlak-guzy hakynda).

**KÖKENLETMEK** [kökönlötmök], *işl.* Owlak-guzulary kökene baglatmak, düzdürmek. *Owlaklary kökenletmek.*

**KÖKENLEÝIŞ** [kökönlöýüş], *iş ady.* Kökenlemek ýagdaýy.

**KÖKENLI** [kökönlü]: *at. zergärç. s.* **kökenli ýüzük** gyz-gelinleriň bäş barmagynyň bäşisine dakylýan, ýerligi kümüşden, ýüzüne gyzyl çaýylan, hakyk, pöwrize ýa-da aýna gaşlary oturdylan, kökenler arkaly birleşýän, ýokarsy goşara dakylýan inçejik bilekseli bezeg şaýy. *Porhan oňa ýüzi gaşly kökenli ýüzügi çykaryp, barmaklaryna ötürdi* (N. Pomma).

**KÖKERILMEK** [kökörülmök], *işl.* Owlak-guzular we ş.m. kökene baglanmak.

**KÖKERIŞ** [kökörüş], *iş ady.* Kökermek ýagdaýy.

**KÖKERIŞDIRMEK** [kökörüşdürmök], *işl.* Kökene düzüşdirmek, bir ýan ujundan kökermek. *Goýunlary kökerişdirmek.*

**KÖKERIŞMEK** [kökörüşmök], *işl.* Kökene düzüşmek, baglaşmak. *Owlak-guzy kökerişmek.*

**KÖKERME** [kökörmö], *iş ady.* Kökermek ýagdaýy.

**KÖKERMEK** [kökörmök], *işl.* **1.** *ser.* **Kökenlemek**. *Her kim ýerli-ýerden goýunlary kökerip sagmaga başladylar* (H. Derýaýew). **2.** *göç.m.* Bendi etmek, aýrylyp gitmez ýaly etmek, baglap goýmak.

**KÖKERMEKLIK** [kökörmöklük], *iş ady.* Kökermek ýagdaýy.

**KÖKERMEZLIK** [kökörmözlük], *iş ady.* Kökerme işi edilmezlik. *Ol goýunlary henizem kökermändir.*

**KÖKERTMEK** [kökörtmök], *işl.*Owlak-guzulary kökerip goýdurmak, baglatmak.

**KÖKLEME** [köklömö] **I, II,** *iş ady.* Köklemek ýagdaýy.

**KÖKLEMEK** [köklömök] **I,** *işl.* **l.** Biçilen geýim-gejimiň we ş.m. böleklerini iri-iri sanjyp, biri-birine birikdirmek, kök atmak. **2.** Öýüň tärim agaçlaryny deşiklerinden tasma geçirip birleşdirmek. *Ol tärim agaçlaryny kökläp, bir ganat tärim taýýarlady.*

**KÖKLEMEK** [köklömök] **II,** *işl.* Bir zatdan lezzet alyp, keýpiňi götermek, keýpiňi çaglamak.*Gök çaýdan keýpiňi köklemek.*

**KÖKLEMEKLIK** [köklömökluk] **I, II,** *iş ady.* Köklemek ýagdaýy.

**KÖKLENMEK** [köklönmök] **I,** *işl.* **l.** Kök atylmak. *Köýnek köklendi.* **2.** Tasma bilen birikdirilmek. *Tärim köklendi.*

**KÖKLENMEK** [köklönmök] **II,** *işl.* Keýpiň kökelmek, keýplenmek. *Çaýdan soň onuň keýpi has köklendi.*

**KÖKLEŞMEK** [köklöşmök], *işl.* **1.** Tikilýän geýime kök atyşmak. *Ýorgan kökleşmek.* **2.** Tärimleri tasma bilen berkidişmek. *Tärim kökleşmek.*

**KÖKLETMEK** [köklötmök], *işl.* **1.** Tikilýän geýime kök atdyrmak. *Maşynda tikiljek eşikleri kökletmek.* **2.** Tasma (inçe uzyn edilip gyýlan gaýyş ham) bilen berkitdirmek. *Tärimleri kökletmek.*

**KÖKLEÝIŞ** [köklöýüş] **I, II,** *iş ady.* Köklemek ýagdaýy.

**KÖKLÜK I,** *syp.* **1**. Kök atar ýaly, kök atmaga ýararly (sapak). *Köklük sapak.* **2.** Tärimleri berkider ýaly çig hamdan uzyn edilip kesilen tasmasy (gaýyş, ham). *Köklük tasma taýýarlamak.*

**KÖKLÜK II,** *at.* Wagty hoşluk, keýpi çaglyk. *Keýpiniň köklüginden ýaňa ol aýdym hem aýtdy* (A. Gowşudow).

**KÖKÜŞ,** *at, kön. s.* Hindi towugy.

**KÖL** [kö:l], *at.* Bir çetinden akar suw gelip goşulýan, giň meýdany tutup ýatan suw.

**KÖLÇE** [kö:lçö], *at.* **1.** Suw ýygnanan sähelçe ýer, içi suwly oý ýer, kiçijik köl. *Howlynyň içinde, käbir ýerinde erän garyň suwundan kiçijik kölçe emele gelip, mal derisiniň zeňi çykan sary suwlar tegelenip ýatyrdy* (A. Gowşudow). **2.** *gepl. d.* Ekin ekilýän we daşyna pel çekilen oýtajyk ýer.

**KÖLE** [kö:lö], *at.* Nikasyz doglan çaga, çöpdüýbi. *Huda buýrugyndan aýrylan juwan, Oýnaşyndan haram köle getirmiş* (Magtymguly).

**KÖLEG** [kö:löğ], *at.* Deňizde kenar ýakasynda takmynan adam boýy beýiklikde bolýan tolkun. *Pelek güýçli, aýrylmady daşymdan, Naw bozuldy, köleg aşdy başymdan* (Hatam şahyr).

**KÖLEGE** [kölöğö], *at.* **1.** Ýagtylyk sebäpli her bir zadyň bir ýere düşýän saýasy, şekili. *Mesenäniň üstüne bolsa gür söwüt kölege salýardy* (B. Kerbabaýew). **2.** Her bir zadyň Gün düşmeýän tarapyndaky saýaly ýeri, saýa. *Gün batyp barýardy, kölege uzaýardy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Kölege salmak** bir alada, gam alamaty duýulmak, keşbinde, sypatynda tutuklyk bildirmek.*Aýgülüň düşünjeli gözleri sahna garasa-da, çala süýnmegräk dury ýüzüne nämäniňdir aladasy kölege salýardy* (B. Kerbabaýew). **Kölegesi ýaly (bolmak)** elmydama biriniň ýanyndan aýrylmaýan, nirä gitse, şonuň bilen bile gidýän, bile bitişen ýaly (adam hakynda). **Kölegäňçe görmezlik** birini özüňden pes saýmak, adam hasap etmezlik,kemsitmek.

**KÖLEGELEME** [kölöğölömök] *iş ady.* Kölegelemek ýagdaýy.

**KÖLEGELEMEK** [kölöğölömök], *işl.* **1**. Saýa salmak, kölege düşmek. *Öýlän jaý kölegelänsoň, kölegä düşek atyp geçeris.* **1**. Kölegede dynç almak, salkyn ýerde demiňi dürsemek, saýalamak. *Ol kölegelemek üçin erigiň saýasyna sowuldy.* **3**. *göç. m.* Kölege salar ýaly derejede ýerden gögerip çykmak, ösmek (gawun, garpyz ýaly ekinler hakynda). *Ekilen gawunlar kölegeläp otyr.*

**KÖLEGELEMEKLIK** [kölöğölömöklük], *iş ady.* Kölegelemek ýagdaýy.

**KÖLEGELEMEZLIK** [kölöğölömözlük], *iş ady.* Kölegede oturyp salkynlamazlyk, dynç almazlyk.

**KÖLEGELEŞMEK** [kölöğölöşmök] *işl.* Ekilen käbir ekinleriň kölegesi düşer ýaly bolup ösüşip oturmak. *On bäş gün mundan ozal oturdylan şitiller kölegeleşip otyrlar.*

**KÖLEGELETMEK** [kölöğölötmök], *işl.*Ýiti ýşykdan, günden goranmak üçin kölege etmek, kölege düşürmek.

**KÖLEGELEÝIŞ** [kölöğölöýüş] *iş ady.* Kölegelemek ýagdaýy.

**KÖLEGELI** [kölöğölü], *syp.* Kölegesi bar, kölegesiz däl, saýaly. *Kölegeli agaçlar.*

◊ **Kölegeli gürrüň etmek** aýdyljak bolunýan sözi gönüläp aýtmazlyk. *Kölegeli gürrüň edilenden, gönüläp aýdylsa ýagşy.*

**KÖLEGELIK** [kölöğölük], *at.* Kölegesi köp bolan, saýalyk. *Gaýanyň düýbi giden kölegelikdi.*

**KÖLEGESIZ** [kölöğösüz], *syp.* **1**. Kölegesi ýok, saýasyz. *Kölegesiz agaç.* **2**. *göç. m.* Ýüzi çypar, saç-sakgaly, gaş-kirpigi sarymtyl ak (adam hakynda).

**KÖLEGESIZLIK** [kölöğösüzlük], *at.* **1**. Saýalara ýeri ýokluk, düşlemek üçin kölegesi bolmazlyk. **2**. *göç. m.* Çyparlyk.

**KÖLJERMEK** [kö:ljörmök], *işl.* Kiçijik köl ýaly suw ýygnanmak, suw dökülip ýygnanmak. *Aýnabat çäýnegine seredende, töwereginiň köljerip gidenini saýgardy-da, taňkasyny ýere gütledip goýdy* (B. Kerbabaýew).

**KÖLJERTMEK** [kö:ljörtmök], *işl.* Köl ýaly etmek, suw döküp öljertmek. *Küýze duran ýerini köljerdipdir.*

**KÖMEÇ** [kömöç], *at.* Döwlen, ownuk dogralan et ýa-da jigirdek salnyp bişirilen ýagly gömme çörek. *Nejep hem olaryň yzyndan garama-gara gidip, kerwenleriň her gezek düşen ýerlerinde külüň aşagyny agtaryp, ýary ýanan, ýary çig kömeji tapyp mydar edip, birniçe gün ýol ýöredi* ("Nejep oglan").

**KÖMEK** [kömök], at. Birine berilýän ruhy, maddy goldaw, edilýän ýardam, goltgy, hemaýat.

◊ **Kömek (hemaýat) puly** adamlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin döwlet tarapyndan berilýän pul.

**KÖMEKÇI** [kömökçü], *at.* **1**. Birine goldaw, hemaýat beriji, kömekleşiji, kömek edýän adam. *Olar bir aý çemesi gallaçylara kömekçi boldular.* **2**. Bir işde, gullukda biriniň orunbasary, wezipeli ýolbaşça kömek edýän ýörite bellenen isgär.

◊ **Kömekçi işlik** *dil b.* esasy sözüň yzyndan gelip, özüniň hakyky manysyny doly ýa-da kem-käsleýin ýitirýän işlik (*etmek, bolmak* ýaly işlikler). **Kömekçi sözler** *dil b.* Sözlemde sözleri baglaşdyrýan (*we, hem, emma* ýaly) baglaýjylar.

**KÖMEKÇILIK** [kömökçülük], *at.* Birine kömek, goldaw berijilik, hemaýat edijilik. *Hany, özüň nähili, kömekçilikden ireňokmy?* (Ş. Borjakow).

**KÖMEKLEŞMEK** [kömöklöşmök], *at.* Birine bir işi etmek üçin kömek etmek, goldaw bermek, hemaýat, goltgy bermek. *Onda bize duýdur – kömekleşeris* (B. Kerbabaýew).

**KÖMEKSIZ** [kömöksüz], *syp.* Kömegi bolmadyk, ýardam edere goldawy bolmadyk.

**KÖMELEJIK** [kömölöjük], *at.* Iň ýönekeý ösümlik mikroorganizmi. *Heň kömelejigi. Hamyrturşy kömelejigi. Gönezlik kömelejigi.*

**KÖMELEK** [kömolök], *at.* Ýaz paslynyň başynda ýeriň astyndan güberip çykýan, şeýle hem iýmit üçin ýöriteleşdirilen jaýlarda ösdürlip ýetişdirilýän ösümlik.

**KÖMELEKLEMEK** [kömlöklömök], *işl.* Ýerden güberilip galmak, pökgerip durmak, zömmermek. *Ýagyşdan soň gapaklan gämikler kömelekläp çykypdyrlar.*

**KÖMÜR**, *at.* **1**. Ösümlikden emele gelen we gazylyp alynýan gaty ýangyç. *Daş kömür.* **2**. Gandym, sözen ýaly gaty agaçlar ýakylyp taýýarlanan ýangyç. *Tanyş ýerim bolmany üçin, kömrümi, ýüňümi alanyňka myhman bolup düşdüm* (N. Saryhanow).

◊ **Kömür çemçe** demir ussasynyň körükdäki ody, kömri ölçeryän çemçesi.

**KÖMÜRÇI** [kömürçü], *at.* **1**. Kömür käninde işleýän işçi. **2**. Gandym, sözen, sazak kömrüni satýan söwdagär. *Ozallar gumdan kömürçiler gelerdiler.*

**KÖMÜRDAN** [kömürda:n], *at.* Körügiň kömür guýulýan we ýakylýan ýeri. *Körügiň kömürdanyna agajyň ýonuşgalaryny salyp, onuň üstünden kömür guýup, kükürt çakyp otlady* (N. Pomma).

**KÖNE** [kö:nö], *syp.* **1**. Köp ulanylyp dargan, çagşan, ýyrtylan, derde ýaramaýan, sandan çykan (zat we ş.m. hakynda). *Köne keçe.* **2**. Häzirki däl, öňki, täze däl-de, owalky, geçen wagtky, gadymky. **3**. Täsirini ýitiren, möwriti geçen, häzir ulanmakdan galan, durmuşy däl. **4**. *göç. m.* Öň ýaşap geçen; köp ýaşan, garry (adam hakynda). *Men könelerden, ötenlerden, aksakgallardan eşidýärdim* ("Görogly").

◊ **Köne heňine tutmak** şol öňki aýdan-diýeniňi gaýtalap durmak. **Köne saman sowurmak (agtarmak)** köne öýke-kinäni ýatlamak, ýatdan çykarylmaly zady agzamak.

**KÖNEÇE** [kö:nöçö], *hal.* **1**. Täzä uýgunlaşman, könä laýyk, täzelige daýanman. *Dogry, täzeçe terbiýäniň netijesinde ýaşuly nesle köneçe pikirlenýän adamlar hökmünde baha berlen wagty hem boldy* ("Watan"). **2**. Öňki, hemişeki, geçen döwürdäki.

◊ **Köneçe ýazylan hat** arap elipbiýinde ýazylan hat.

**KÖNEÇIL** [kö:nöçül], *syp.* Könä uýýan we ony goldaýan, könäniň tarapdary, täzäniň täsirine düşmeýän.

**KÖNEÇILLIK** [kö:nöçüllük], *at.* Könä uýujylyk, könäniň tarapdary bolmaklyk.

**KÖNEDEN** [kö:nödön], *hal.* Öňden, ozaldan, gadymdan, geçmişden. *Biziň köneden galan gowy däp-dessurlarymyz bar.*

**KÖNEKI** [kö:nökü], *syp.* Mundan owalky, ozalky, öňki wagtdaky. *Köneki bolşuňdan oba göçüpdir* (A. Kekilow).

**KÖNEKILER** [kö:nökülör], *at.* Gadym wagtda ýaşanlar, bu döwürden ozal ýaşap geçenler (adam hakynda). *"Köp ber-de, gözel al" diýip, könekiler aýdypdyr-la* (R. Gelenow).

**KÖNE-KÜŞÜL** [kö:nö-küşül], *at.* Könelen, sandan galan, köne-sana, ýyrtyk-ýirik. *Dogrudan hem, Ogulgerek bu gün ýadady, ol ertirden bäri özüniň köne-küşül zatlaryny ýygnamakdan dynmady* (N. Saryhanow).

**KÖNELDDILMEK** [könöldülmek], *işl.* Geýlip, ulanylyp köne edilmek. *Geýlip köneldilmek.*

**KÖNELER** [kö:nölör], *at, ser.* **Könekiler**.

**KÖNELIK** [kö:nölük], *syp.* Köne ýagdaýda bolmaklyk, könelen halda bolmaklyk.

**KÖNELIŞ** [kö:nölüş], *iş ady.* Könelmek ýagdaýy.

**KÖNELIŞMEK** [kö:nölüşmök], *işl.* **1**. Köp ulanylmagy, köp wagtyň geçmegi sebäpli dargap başlamak, ýyrtylyşmak, çagşap başlamak. *Daşy könelişip giden depderçe.* **2**. Ýaşy gaýdyşmak, ýaşy bir çene barmak (adam hakynda). *Kakam könelişen*

*garry adam, sen bolsaň ondan hem beter gorkak bolupsyň* (A. Gowşudow). **3**. Wagty geçişmek, ýatdan çykyşmak, könelmek. *Könelişen gürrüň.*

◊ **Könelişen göz** gowy görmeýän, kütelişen göz. *Könelişen gözleriniň nury öçügsidi.* **Könelişen söz** ulanyşdan galyp barýan söz.

**KÖNELME** [kö:nölmö], *iş ady.* Könelmek ýagdaýy.

**KÖNELMEK** [kö:nölmök], *işl.***1**. Wagt geçmegi, ulanylmagy sebäpli köne bolmak, täzeligi aýrylmak, sary gitmek; dargap, çagşap başlamak. *Onuň egnindäki penjegi könelipdir.* **2**. Şöhlesi öçmek, kütelmek. *Indi gözlerem könelip ýör, daşdaky zatlary seljermejek bolýar.* **3**. Köp wagt geçip, ýatdan çykyşmak (biriniň ölümi bilen bagly).

**KÖNELMEKLIK** [kö:nölmöklük]; *iş ady.* Könelmek ýagdaýy.

**KÖNELMEZLIK** [kö:nölmözlük], *iş ady.* Geýleni ýa-da ulanylany bilen köne ýagdaýa geçmezlik, köne bolup ugramazlyk. *Bir ýa iki geýeniň bilen köýnegiň könelmez, arkaýyn geýiber.*

**KÖNELTDIRMEK** [kö:nöltdürmök], *işl.* Başga birine geýdirip ýa-da ulandyryp, köne etdirmek. *Köwşi ýoldaşyňa geýdirip köneltdiripsiň.*

**KÖNELTMEK** [kö:nöltmök], *işl.* Bir zady geýip, ulanyp, täzeligini ýitirmek, saryny gidermek, köne etmek, könelik derejesine ýetirmek. *Men täze köýneklerimiň hemmesini köneldäýipdirin.*

**KÖNE-SANA** [kö:nö-sa:na], *syp.* Köne-küşül. *Bu asyl köne-sanasyndan el çekmän geçjek* (A. Gowşudow).

**KÖNE-SÖNE** [kö:nö-sö:nö], *syp., ser.* **Köne-sana**.*Ol köne-söne geýimlerini geýindi* (B. Seýtäkow).

**KÖŇÜL,** *at, ser.* **Göwün**. *Allatagala ýerdäki raýatlaryny ýalkajak bolsa, olaryň içinden pygamber sypatly, parasatly, köňli giň ynsany ýaradarmyşyn* ("Watan").

**KÖP**, *syp., hal.* **1**. San, mukdar taýdan kän, möçber boýunça ýeterlik, bol. *Bu çäreleriň köp bölegi şu mahal durmuşa geçirilýär* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Wagt taýdan uzak, dowamly. *Köp ýatdyk, ýaranlar, turulsyn imdi!* (Seýdi). **3**. Ýygy-ýygydan, çalt-çalt, tiz-tiz. *Olar köp duşuşýarlar. Köp görşüp durmak gerek.* **4**. *at, göç. m.* Köpçülik, köp adam, jemagat, il. *Köpüň dilegi köl bolar* (Nakyl).

◊ **Köp bilmek 1**) köp zat hakynda bilmek. **2**) mekirlik edip, şeýle hereket etmek, şeýtmek. *Ol gaty köp bilýär, ýönelige biz bilen gidenok.* **Köp çarşenbäni başyndan geçiren** birtopar kynçylygy, şatyny, muşakgaty gören, uly durmuş tejribeli. **Köp gar basan** köp ýaşan, kän zady başyndan geçiren (adam). **Köp gepli** gepi-gürrüňi köp edýän, pikirinden üýtgäp duran. *Köp gepli adam.* **Köp görmek** biriniň ýeten derejesine göriplik, içigaralyk etmek, bir zady birine rowa görmezlik. **Köpi gören** köp wakany başdan geçiren, durmuşyň ajy-süýjüsini dadan, wakalaryň içinde gaýnap, tejribe toplan (adam hakynda). **Köpi geçip (ötüp), azy galan** ömrüniň köpüsi geçen, garrylyk ýaşyna ýeten (adam). **Köpi gözläp, azdan galmak** nebsiňe haý diýmän, azyrganyp aç galmak, ýeten derejäňe kanagat etmezlik. **Köp nokat** *dil b.* gutarylmadyk sözlemden, sözlerden soň goýulýan "we şuňa meňzeşler, beýlekiler" diýen many aňladýan dyngy belgi. *Eger-de sözlem gysgaldylyp alynsa, onda gysgaldylan ýerinde köp nokat (...) goýmaly bolýar.* **Köp sözüň başyna ýetmek** (**başyny agyrtmak**) köp gürlemek, öňki-soňkyny agzamak.

**KÖPBILMIŞ**, *syp.* Köp zat bilýändirin öýdýän; mekir, hilegär.

**KÖPBILMIŞLIK**, *at.* Köp zat bilýändirin öýtmeklik; hilegärlik, mekirlik. *–Ýene suw gerekmi? – diýip, Mährijemal oglunyň köpbilmişligine, düýnki serçäniň bu gün enesine jürküldemäni öwretjek bolşuna gatyrganyp, bedresine ýapyşdy* (N. Esenmyradow).

**KÖPBILMIŞSIREMEK**, *işl.* Özüňi köpbilmiş hasaplamak, bilimlisirän kişi bolmak. *Ne beýle köpbilmişsirän bolýarsyň!*

**KÖPBURÇLUK** [köpburşluk], *at, mat.* Köp burçly geometrik şekil. *Köpburçluk çyzmak.*

**KÖPÇÜLIK** [köpçülük], *at.* **1.** San taýdan köplük, üýşen adamlar topary, märeke, mähelle, üýşmeleň, jemagat, halaýyk. **2.** Jemgyýetçilige degişli, jemgyýet bilen baglanyşykly. *Ol köpçülik işinde işşeňňirlik görkezýär.*

**KÖPÇÜLIKLEÝIN** [köpçülüklöýün], *syp., hal.* **1.** Köpçülik bolup, köp bolup, köplük bolup, köp adam bolup. *Biz nahal oturtmaga köpçülikleýin girişdik.* **2.** Tutuşlygyna, örän köp.

**KÖPEK** [köpök], *at.* **1.** Erkek jynsly it. *Arkaly köpek gurt alar* (Nakyl). **2.** Oglana dakylýan at.

**KÖPELDILMEK** [köpöldülmök], *işl.* San, mukdar taýyndan artdyrylmak.

**KÖPELEGEN** [köpölöğön], *syp., ser.* **Köpelgiç.**

**KÖPELEGENLIK** [köpölöğönlük], *at, ser.* **Köpelgiçlik.**

**KÖPELGIÇ** [köpölğüç], *syp.* **1.** San taýdan artýan, barha köpelýän, köpelegen. *Çekirtge biçak köpelgiçdir.* **2.** *gepl. d.* Çişip ýa bişip, göwrüm taýdan ulalýan, suwy köp çekip çişýän (tüwi, mäş we ş.m. hakynda). *Bu tüwi gaty köpelgiç ekeni.*

**KÖPELGIÇLIK** [köpölğüşlük], *at.* Köp bolaganlyk, köpelegenlik.

**KÖPELIŞ** [köpölüş], *iş ady.* Köpelmek ýagdaýy.

**KÖPELIŞMEK** [köpölüşmök], *işl.* Kem-kemden artyp başlamak, dura-bara köpelmek.

**KÖPELME** [köpölmö], *iş ady.* Köpelmek ýagdaýy.

**KÖPELMEK** [köpölmök], *işl.* San taýdan artmak, mukdar, möçber taýdan belli bir derejä ýetmek, köp bolmak. *Bagşynyň diňçisi durdugyça köpelip, ägirt çynaryň saýasy bütin töweregi bilen dolupdy* (B. Kerbabaýew).

**KÖPELMEKLIK** [köpölmöklük], *iş ady.* Köpelmek ýagdaýy.

**KÖPELMEZLIK** [köpölmözlük], *işl. ady. San* taýdan artmazlyk, mukdar, möçber taýdan belli bir derejä ýetmezlik, köp bolmazlyk.

**KÖPELTDIRMEK** [köpöltdürmök], *işl.* San, mukdar taýyndan artdyrtmak.

**KÖPELTMEK** [köpöltmök], *işl.* **1.** San we mukdar taýdan artdyrmak, köp etmek. **2.** *hasap.* Bir sany köpeldijiniň mukdaryna laýyk artdyrmak. *Dördi bäşe köpeltseň, ýigrimi bolýar.*

**KÖPELTMEZLIK** [köpöltmözlük], *iş ady.* Sanyny, möçberini artdyrmazlyk.

**KÖPEME** [köpömö], *iş ady.* Köpemek ýagdaýy.

**KÖPEMEK** [köpömök], *işl.* Ýorgan, howut kimin galyň, küti zatlary kök atan ýaly edip tikinleriň aralaryny açyp tikmek. *Ol kölegede howut köpäp otyrdy.*

**KÖPEMEKLIK** [köpömöklük], *iş ady.* Köpemek ýagdaýy.

**KÖPEN** [köpön], *at.* Peşeňe ok salnanda (peşeň oklananda) däri bilen seçmäniň arasyna we peşeňiň agzyna dykylyp goýulýan keçe bölejigi.

**KÖPENMEK** [köpönmök], *işl.* Özi, hojalygy üçin ýorgan, howut we ş.m. köpemek.

**KÖPEŞMEK** [köpöşmök], *işl.* **1**. Ýorgan, howut köpemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde köpemek.

**KÖPEÝIŞ** [köpöýüş], *iş ady.* Köpemek ýagdaýy.

**KÖPGYRAŇLYK,***at.* Köp gyraňly geometrik şekil.

**KÖPLEME** [köplömö], *iş ady.* Köplemek ýagdaýy.

**KÖPLEMEK** [köplömök], *işl.* **1**. Köp bolup, üýşüp, bir zat etmek, hereket etmek. *Şonuň üçin-de köpläp, agyz birikdirip, bu işiň hötdesinden gelmegimiz gerek* (B. Seýtäkow). *Siz köpläp, meniň daşymy çürüzziklediňiz* (R. Allanazarow). **2.** *göç. m.* Birini köp bolup urmak, daşyna geçmek, ýekelemek.

**KÖPLEMEKLIK** [köplömöklük], *iş ady.* Köplemek ýagdaýy.

**KÖPLENÇ** [köpülönç], *hal.* Köp halatlarda, hemişe diýen ýaly, aglaba, galaba; adatça.

**KÖPLEÝIŞ** [köplöýüş], *iş ady.* Köplemek ýagdaýy.

**KÖPMANYLY** [köpma:nyly], *syp.* Manysy köp bolan. *Köpmanyly sözler.*

**KÖPMEK** [köpmök], *işl.* **1**. Hamyr alyp, galyp ugramak. *Hamyr köpüpdir.* **2**. Ýellenmek, çiş ýöremek. *Saňa näme boldy, ýüzüň köpüp dur-la ýa ýatyp ukyňy almadyňmy?*

**KÖPMILLETLI,***syp.* Köp milletden, halkyýetden durýan, san taýdan köp millet girýän. *Köpmilletli ýurt.*

**KÖPREME** [köpürömö], *iş ady.* Köpremek ýagdaýy.

**KÖPREMEK** [köpürömök], *işl., ser.* **Köpürjiklemek.** *Saça çalnan sabyn köpräp başlady.*

**KÖPREMEKLIK** [köpürömöklük], *iş ady.* Köpremek ýagdaýy.

**KÖPRETMEK** [köpürötmök], *işl.* **1.** *ser.* **Köpürjikletmek.** *Onuň arak sabyny köpredip ýuwunmaga başlanam şoldy welin, daşardan bir çaganyň aglaýan sesi eşidilip ugrady* (B. Annageldiýew). **2.** *göç. m.* Gaharly ýagdaýda agzynda köpürjik, ýeljik emele getirmek. *Biri agzyny köpredip gepledi* (B. Kerbabaýew).

**KÖPRI** [köpürü], *at.* Derýalaryň, demir ýollaryň we ş.m. üstünden geçmek üçin gurulýan geçelge. *Men jybarlap duran ýagşyň aşagynda selpäp barşyma iň soňky maşyn geçýän köprä ýetdim* (T. Gurbanow).

◊ **Köprüde galtaşan ýeri ýok** aňyrda-bärde hiç hili baryndaşlygy, ilteşigi ýok.

**KÖPTARAPLY**, *syp.* **1.** Her taraply, köp gapdaly, tarapy bolan. *Köptaraply burç.* **2.** Birnäçe meseläni, ugry öz içine alýan. *Köptaraply mesele.*

**KÖPÜÇIŞ** [köpüçi:ş], *at.* Howudy tikmek, köpemek üçin ulanylýan 25-30 sm uzynlykdaky, gözünden ýüp ötürülýän çiş. *Köpüçiş demirden, şonuň ýaly-da, gaty agaçdan hem ýasalýar.*

**KÖPÜK I,** *at.* **1.** Bişirilýän süýdüň, naharyň we ş.m. ýüzüne çykýan köpürjik. *Naharyň köpügini aýyrmak.* **2.** Esreýän erkegiň, uzak çapylýan atyň agzynda emele gelýän köpürjik. *Gyşyň çillemes erkekleri dişlerini çalşyp, agyzlaryny ak köpük edişip, biri-birine kükreşýärdi* (N. Pomma).

**KÖPÜK II,** *at, taryh.* Hümmeti manadyň ýüzden bir bölegine deň bolan iň ownuk pul birligi.

**KÖPÜKLEME** [köpüklömö], *iş ady.* Köpüklemek ýagdaýy.

**KÖPÜKLEMEK** [köpüklömök], *işl.* Gaýnaýan zadyň ýüzünde köpük emele gelmek. *Nahar gaýnamanka köpükläp başlaýar.*

**KÖPÜKLEMEKLIK** [köpüklömöklük], *iş ady.* Köpüklemek ýagdaýy.

**KÖPÜKLEMEZLIK** [köpüklömözlük], *iş ady.* Köpük emele gelmezlik.

**KÖPÜKLETMEK** [köpüklötmök], *işl.* **1.** Gaýnaýan zadyň ýüzüne köpük galdyrmak, köpüklemek derejesine ýetirmek. **2.** *göç. m.* Belli bir sebäbe görä agyzda ýeljik, köpük emele getirmek. *Gaty gyssalyp sürleni sebäpli at agzyny köpükledip geldi.*

**KÖPÜKLEÝIŞ** [köpüklöýüş], *iş ady.* Köpüklemek ýagdaýy.

**KÖPÜN,** *at.* Ölen adamyň jesedi dolanýan ýeňsiz, ýakasyz ak mata, kepen. *Köpün tikmek. Köpün biçmek.*

**KÖPÜNLEME** [köpünlömö], *iş ady.* Köpünlemek ýagdaýy.

**KÖPÜNLEMEK** [köpünlömök], *işl.* Ölen adamyň jesediniň daşyna köpün dolamak, köpün geýdirmek, kepenlemek. *Ine, şonuň üçin aty ölensoň, eýesi ony köpünläp gömüpdir diýip eşiderdik* (B. Annageldiýew).

**KÖPÜNLEMEKLIK** [köpünlömöklük], *iş ady.* Köpünlemek ýagdaýy.

**KÖPÜNLEÝIŞ** [köpünlöýüş], *iş ady.* Köpünlemek ýagdaýy.

**KÖPÜNLIK** [köpünlük], *syp.* Köpün üçin, köpün bolar ýaly. *Köpünlik biz.*

**KÖPÜRJIK** [köpürjük], *at.* **1.** Sabyn bilen geýim we ş.m. ýuwlanda döreýän ak ýeljik, köpük. *Sabynly suwdan doly bedräniň gögümtil köpürjigi erňeginden syrygýardy.* **2.** Suw tolkunynyň ýüzünde emele gelýän akjymak ýeljik.

**KÖPÜRJIKLEMEK** [köpürjüklömök], *işl.* **1.** Sabyn we ş.m. bilen geýim-gejim ýuwlanda köpürjik emele gelmek. **2.** Suw tolkunlary netijesinde suwuň ýüzünde ak ýeljik emele gelmek. **3.** Käbir bişirilýän naharyň ýüzünde gaýnamy çykmanka ýeljik emele gelmek. *Palaw bişirmek üçin, gazana salan ýagy ýanyp-ýanmanka etini atdy, ýag köpürjikledi* (B. Seýtäkow).

**KÖPÜRJIKLETMEK** [köpürjüklötmök], *işl.* Köpürjiklemek derejesine ýetirmek.

**KÖPÜÝÜP,** *at.* Howudy köpemek üçin işilip taýýarlanýan inçe ýüp.

**KÖPÝYLLYK,** *syp.* **1.** Köp ýyla niýetlenen, köp ýylda ýerine ýetirmek üçin düzülen. *Ol özüniň köpýyllyk meýilnamasyny ýolbaşçysyna hödürledi.* **2.** Bir ýyl ekilenden soň, indiki ýyllarda-da özi gögerýän, köp gezek hasyl berýän (ösümlik hakynda). *Köpýyllyk ösümlik.*

**KÖR** [kö:r] **I,** *syp.* **1.** Görmekden mahrum, gözi görmeýän, batyl. *Kör hasasyny bir aldyrar* (Nakyl). **2.** *göç.m.* Düşünjesiz, hiç zat bilmeýän. *Okamasaň, senem men ýaly kör galarsyň.*

◊ **Kör abraý** şowuna düşen, aňsat üstünlik, sähel zat üçin gelen abraý. *Agdaryşdyrýaryn hem-de türkmen edebiýatyna degişli şol delilnamany tapsam, bir kör abraý bolsa-da ähtimal diýip, içimi gepledýärin* ("Edebiýat we sungat"). **Kör alaka** kürümini ekerançylyk meýdanynda gazýan, ösümlikleriň köküni iýýän gözi kiçijik gara alaka. *Kör alaka ekine uly zyýan ýetirýär.* **Kör bolaýyn** (**bol**, **bolsun** ) başarmasam, özüm günäkär, näme bolsam, şol bolaýyn, kynçylygy özüm göreýin. *Başarsam-a öz başymy özüm çaraýyn, başarmasam kör bolaýyn!* (G. Kulyýew). **Kör bolmak 1)** suw çykmasy kesilmek, akmasy galmak (çeşme, gözbaş hakynda). *Ol ýerde kör bolan çeşme bardy.***2)** göwsüň, ýelniň gözi bitmek, süýt gelmesi kesilmek. *Sygryň bir emjegi kör bolupdyr.* **Kör düýesi köprüden geçen** öýlenen, öýli-işikli bolan. **Köre hasa** belli, hiç kim üçin gümürtik däl, hemmä mälim, görnüp dur. **Köre hasa bolmak** göze dürtülip durmak, äşgär bolmak, aç-açan, belli bolmak. **Kör hasasyny bir aldyrar** adam bir gezek özüni aldatdyrar, emma ikinji gezek aldatdyrmaz. **Kör etmek** bir zady owarram etmek, başyňdan aýlap urmak, taşlamak. *Men-ä seniň çakylygyňy eşidip, gyssagly işlerimi-de kör edip geldim* (N. Pomma). **Köre zekat beren ýaly** biri eden ýagşylygyňy bilmedik ýagdaýynda aýdylýar. **Kör galmak** sowatsyz, okuwsyz, bilimsiz galmak, nadan galmak. **Kör iýip, köse gägirmek** alan-aldy etmek, çem gelen alyp dargatmak. **Kör keýp** az wagtlyk keýp, bolar-bolmaz lezzet. **Kör mydar** ýykma-ýykylma gün görýän, zordan gününi aýlaýan. *Kör mydar ýagdaý.* **Kör nebis** zada bolan doýmaz-dolmaz isleg, meýil, baýlyga gyzma. **Körüň eline büre düşen ýaly** berk, mäkäm, ähtibarly saklamak, tutmak.

**KÖR** [kö:r] **II,** *at.* Iş, iş-alada, özüňe degişli iş-dert.

◊ **Körüň bilen bolmak** öz iş-derdiň bilen meşgul bolmak. *Öz körüň bilen bolarlar, gep diýip kaňkap ýörmezler.* **Körüň ýok** seniň ol ýerde işiň ýok. – *Olarda körüň ýok, aýagyňam sekäýme!*

**KÖRAMANÇYLYK** [kö:rama:nçylyk], *at.* Gün-güzeran, durmuş, güzeran dolandyrma. *Ýanyňy alyp oturaýyn diýsem, meniňem öz köramançylygym özüme ýetik* (N. Pomma).

**KÖREGSI** [kö:röğsü], *syp.* **1.** Ýagtyny çala berýän, körek, öçük ýanýan, şöhlesi az. *Köregsi ýanyp duran çyranyň peltesini galdyrdy* (N. Saryhanow). **2.** Doly tutaşman, köremän, tüsseläp ýanýan. *Ot ojakda köregsi ýanýardy.*

**KÖREK** [kö:rök] **I,** *at.* Gowaçanyň açylman galan gozasy, ösüşden galan goza. *Körek arassalaýjy maşyn. Ikinji ýola zyňlan körek gelip egnime degdi* (H. Garabaýew). *Goza hem körek açýanlaryň-da gulagyna ýakymsyz söz ýetiren adam bolmady* (N. Pomma). *Körek ýygyjy maşyn. Çöpi çapylmadyk, köregi doly çöplenmedik gowaçalar.*

**KÖREK** [kö:rök] **II,** *syp.* Ýagtysy az, tutuk, öçük şöhle berýän. *Ol körek çyranyň ýagtysyna okap, gözüni zaýalapdyr.*

**KÖREKEN** [körökön / kö:rökön ], *at.* Durmuşa çykan gyzyň adamsynyň gyzyň ata-enesine, agalaryna we ş.m. hossarlaryna bolan garyndaşlyk gatnaşygy, giýew. *Hatda gyzyny berenden soň hem körekeni bilen açyk sözleşip bilenok* (B. Kerbabaýew).

**KÖREKLEME** [kö:röklömö], *iş ady.* Köreklemek ýagdaýy.

**KÖREKLEMEK** [kö:röklömök], *işl.* Kem-kemden şöhlesi gaçmak, öçügsi bolmak, şöhlesi tutulmak. *Çyra kem-kemden körekledi-de,ahyry hem söndi.*

**KÖREKLEÝIŞ** [kö:röklöýüş], *iş ady.* Köreklemek ýagdaýy.

**KÖRE-KÖR** [kö:rö-kö:r], *hal.* Hiç bir zada daýanman, düşünmän, esaslanman; aňşyrman. *Köre-kör hereket etmek.*

**KÖRE-KÖRLÜK** [kö:rö-kö:rlük], *at.* Hiç zada daýanmazlyk, düşünmezlik, esaslanmazlyk.

**KÖREME** [kö:römö], *iş ady.* Köremek ýagdaýy.

**KÖREMEK** [kö:römök], *işl.* Tutaşyp ýanyp başlamak. *Gandym kömri köräp, dumly-duşa uçganaklap syçraýardy* (A. Gowşudow).

**KÖREMEKLIK** [kö:römöklük], *iş ady.* Köremek ýagdaýy.

**KÖREŞMEK** [kö:röşmök], *işl.* Hemmesi köräp, başlamak. *Ojakdaky kömürler körügiň ýeline köreşip başlady.*

**KÖRETMEK** [kö:rötmök], *işl.* Körär ýaly etmek, tutaşdyrmak. *Ojagyň oduny, körügiň kömrüni köretmek.*

**KÖREÝIŞ** [kö:röýüş], *iş ady.* Köremek ýagdaýy.

**KÖRIÇEGE** [kö:riçeğe], *at.* **1.** Ýogyn içegäniň başlanýan ýerinde ýerleşýän barmak şekilli ösüntgi. *Adamyň iç goşundaky köriçegäni kesip aýyrmak mümkin.* **2.** *gepl.d.*Şol içegäniň zaýalanmagyndan döreýän kesel. *Köriçege bolup, keselhana düşmek. Lukman onuň köriçegedigini kesgitläp bildi.*

**KÖR-KÖPÜK** [kö:r-köpük], *hal.* Hiç zat, ujypsyz pul. *Kör-köpügiň bolmazlyk.*

**KÖRLEÇ** [kö:rlöç], *hal.***1.** Köre ýakyn, gözi oňly zat saýgarmaýan. **2.** *göç.m.* Tejribesi, ukyby az, zat seljermeýän, saýgarmaýan.

**KÖRLEME** [kö:rlömö],*iş ady.* Körlemek ýagdaýy.

**KÖRLEMEK** [kö:rlömök], *işl.* Ilki sanjymyň ujuny basdyryp, sypmaz ýaly tikmek. *Ol keteni köýneginiň tikininiň ujuny körledi.*

**KÖRLEMEKLIK** [kö:rlömöklük],*iş ady.* Körlemek ýagdaýy.

**KÖRLERÇE** [kö:rlörçö], *hal.* Öz paýhasyňa,pähimiňe geňeşmän, oýlap-çenläp görmän, köre-körlük bilen.

**KÖRLÜK** [kö:rlük], *at.* **1.** Görmekden mahrumlyk, gözi görmezlik; körüň ýagdaýy. *Ol körlük bilen öwrenişen adamdy.* **2.** *göç. m.* Nadanlyk, durmuş meselelerinden baş çykaryp bilmezlik.

**KÖRMÜŞ** [kö:rmüş] **I,** *at.* Öýlerde, ammarlarda ýaşaýan gemriji kör syçan.

**KÖRMÜŞ** [kö:rmüş] **II,** *syp.* Gözüniň görşüniň ugry bolmadyk, köre ýakyn. *Täç gyssap körmüş kempirini yzyna tirkäp gapydan girdi* (N. Pomma).

**KÖRPE** [körpö] **I,** *at.* **1.** Maşgaladaky iň kiçi, iň soňky çaga. *Onuň körpe ogly.* **2.** Ösüp barýan nesil, ýaş. **3.** *syp.* Iň kiçi. *Otursyn orpa gelin, Oýnasyn körpe gelin* (Halk döredijiliginden). **4.** *syp.* Heniz kemala gelmedik, täze ekilen, ýaş, berkişmedik, ösüp barýan (ösümlik we ş.m. hakynda). *Köçäniň iki tarapyny ýaşyl öwsüp oturan körpe çynarlar bezeýär.* **5.** Adam ady.

**KÖRPE** [körpö] **II,** *at, gepl.d.* Ustünde oturmak üçin kiçijik düşekçe. *Pereňi çitden dokuz gat körpe düşedi* (“Nejep oglan”). *Adam bardyr, körpe ýanyn agyrdar, Adam bardyr, şal, kiz ýanyna degmez* (Magtymguly).

**KÖRPE** [körpö] **III,** *at.* Täze ekilen ýaş ýorunja. *Men saňa iýdirdim körpe, Bedewler içinde türpe* ("Görogly"). – *Barganyň ýagdaýy şunuň ýaly, körpäniň ýagdaýy şunuň ýaly – diýip, bugdaý ekinçiligi barada gürrüň gyzygyp başlady* (A. Gowşudow).

**KÖRPEÇ** [körpöç], *at.* Owlak-guzy salmak üçin ýerden gazylyp ýa-da agaçdan taýýarlanýan ýatak.

**KÖRPEÇE** [körpöçö], *at, ser.* **Körpe.** *Ol körpeçäniň üstünde gyşardy.*

**KÖRPELIK** [körpölük], *hal.* Ýaş, kiçi, ýetişmedik, kemala gelmedik ýagdaýda bolmaklyk.

**KÖRSYÇAN** [kö:rsyçan], *at.* **1.** Alaňňyrtlar maşgalasyna degişli gemrijileriň bir urugy. **2.** *gepl. d.* Ýarganat. *Lors, körsyçan ýaly haýwanlaryň san-sajagy ýok.*

**KÖRÜGIŞ** [kö:rüğüş], *iş ady.* Körükmek ýagdaýy.

**KÖRÜK** [kö:rük], *at.* **1.** Demirçi ussalaryň, zergärleriň metal gyzdyrmak, eretmek üçin ýönekeý usulda ýel berip, kömri körükdirýän desgasy. *Körügiň kömürdanyna agajyň ýonuşgalaryny salyp, onuň üstünden kömür goýup, kükürt çakyp otlady* (N. Pomma). **2.** Tamdyryň, ojagyň içine ýel urar ýaly, tüsse çykar ýaly aşak başynda goýulýan deşik. *Tilki bir tamdyryň körüginden ullakan bir tegelek ýagly külçe tapypdyr* (Halk ertekisinden). **3.** *göç. m.* Bir zadyň başlanýan, tutaşýan ýeri, ojagy. *Urşuň körüginden geçen bu adam ruhdan düşmedi, uruş ony ýeňip bilmedi* ("Edebiýat we sungat"). *Belanyň körügi.*

◊ **Körügine ýel bermek** bir işi etmek üçin birini küşgürmek, gep berip, bir işe itermek, meçew bermek.

**KÖRÜKÇI** [kö:rükçü], *at.* **1.** Ussahanalarda demirçi ussanyň körük basýan kömekçisi. **2.** Körük ýasaýan ussa. *Bäş-alty sany körükçi ussany getirdi* ("Görogly").

**KÖRÜKDIRMEK** [kö:rükdürmök], *işl.* Ody tutaşdyrmak üçin üfläp, ýel berip köretmek. *Ol tütäp duran kesewi ýaly agaçlary biri-biriniň üstünde goýup körükdirdi.*

**KÖRÜKME** [kö:rükmö], *iş ady.* Körükmek ýagdaýy.

**KÖRÜKMEK** [kö:rükmök], *işl., ser.* **Köremek.***Uzak wagt geçmänkä, ol uçgun körükdi* ("Edebiýat we sungat").

**KÖRÜKMEKLIK** [kö:rükmöklük], *iş ady.* Körükmek ýagdaýy.

**KÖRZEHIN** [kö:rzehi:n], *syp.* Aň-düşünjesi çäkli, zehini gowşak, ýady kütek.

**KÖRZEHINLIK** [kö:rzehi:nlik], *at.* Aň-düşünjesi çäklilik, gowşak zehinlilik, küteklik. *Durmuşa körzehinlik bilen garamak bolmaz.*

**KÖSE** [kö:sö], *syp.* **1.** Aslynda sakgal-murt çykmadyk ýa-da örän seýrek sakgal-murtly. **2.** *göç. m.* Hiç bir zat gögermedik, ösümlik bitmedik, ýalçy, ýalazy (dag, baýyr). *Müňlerçe ýyllaryň geçmegi bilen hem-de ýeliň we gaýry tebigy täsirleriň netijesinde uly Balkanyň sürtelen ýaly köse gaýalary görnüp başlady* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Oglana dakylýan at.

**KÖSELEÇ** [kö:sölöç], *syp.* Sakgal-murty seýrek, kösä ýakyn, köseräk. *Goja köseleç sakgalyny sypalady* (B. Kerbabaýew).

**KÖSELIK** [kö:sölük], *at.* Kösäniň ýagdaýy, selçeň sakgal-murtlulyk.

**KÖSELMEK** [kösölmök], *işl.* Oda tutulmak, daşy çirkizilmek, gorsalmak (kellebaşaýak we ş.m. hakynda). *Ol, oda köselen goýun aýagyna meňzeýärdi* (A. Gowşudow).

◊ **Ýüz-gözi oda köselen ýaly** ýüz-gözi gara çowlam, gara ýanyk. *Ýüz-gözi oda köselen ýaly suwçular günortanyň tüp yssysynda meýdan düşelgesine gelip ugradylar.*

**KÖSEME** [kösömö] **I, II,** *iş ady.* Kösemek ýagdaýy.

**KÖSEMEK** [kösömök] **I,** *işl.* Birine azap ýamanyny bermek, heläk etmek, kyn ýagdaýa salmak, kösendirmek.

**KÖSEMEK** [kösömök] **II,** *işl.* Oda çirkizmek, gorsamak, oda tutup ütmek, ot çabratmak (kellebaşaýak we ş.m. hakynda). *Goýnuň aýaklaryny oda kösäp, arassalap başladylar.*

**KÖSEMEKLIK** [kösömöklük] **I, II,** *iş ady.* Kösemek ýagdaýy.

**KÖSEMEZLIK** [kösömözlük], *işl., ady.* Birine hiç hili azap bermezlik, heläk etmezlik, kösendirmezlik.

**KÖSEN** [kösön]: **gara kösen bolmak** bir zat sebäpli gaty kösenmek.

**KÖSENÇ** [kösönç], *at.* Bir işi kösenip, horluk bilen ýerine ýetirmeklik, azap edip, güzap baryny görüp etmeklik, kynçylykly ýagdaý. *Kösenç çekilmese, zadyň gadyry bolmaz.*

**KÖSENÇLI** [kösönüşlü], *syp.* Kösenilip ýerine ýetirilýän, edilýän.

**KÖSENÇSIZ** [kösönüşsüz], *syp.* Kösenilmän ýerine ýetirilýän, edilýän, hiç hili azapsyz, güzapsyz, kynçylyksyz. *Men ol işi hiç hili kösençsiz ýerine ýetirdim. Kösençsiz iş ýok.*

**KÖSENDIRMEK** [kösönnürmök], *işl.* Birini heläk etmek, kyn ýagdaýa salmak, kösemek. *Her gezek açary alyp gaýdýaň-da kösendiräýýäň!*

**KÖSENIŞ** [kösönüş], *iş ady.* Kösenmek ýagdaýy.

**KÖSENME** [kösönmö], *iş ady.* Kösenmek ýagdaýy.

**KÖSENMEK** [kösönmök], *işl.* Bir zat sebäpli özüň kyn ýagdaýa düşmek, bir zadyň ugrunda horlanmak, azap görmek.

**KÖSENMEKLIK** [kösönmöklük], *iş ady.* Kösenmek ýagdaýy.

**KÖSENMEZLIK** [kösönmözlük], *iş ady.* Bir zat sebäpli özüň kösençli ýagdaýa düşmezlik, bir zadyň ugrunda azap görmezlik.

**KÖSEÝIŞ** [kösöýüş], **I, II,** *iş ady.* Kösemek ýagdaýy.

**KÖSSE** [kössö], *at, gepl.d.* Polatdan, jöwherden ýasalýan türkmen egri gylyjy. *Şu kössämiň gyny gitse, üç urpyýam zaýa gider* (Baýly şahyr). *Şonda onuň eline degen daýhançylyk guraly bolman, ýigrimi alty ýyl mundan ozal, bilinden aýryp, duldan asan köne kössesi bolup çykdy* (A. Gowşudow).

**KÖSSEK** [kössök], *at.* Ýabynyň ýa-da eşegiň bir öň we bir art aýagyny biri-birine baglaýan iki ujy halkaly duşak görnüşli ýüp, bag. *Eşegiň aýagyna hem duşak, hem kössek saldylar.*

**KÖSSEKLEME** [kössöklömö], *iş ady.* Kösseklemek ýagdaýy.

**KÖSSEKLEMEK** [kössöklömök], *işl.* **1.** Aty ýa-da eşegi kössek bilen baglamak. **2.** *göç. m.* Birini ýa bir zady öz ugruna goýbermän saklamak, bent etmek, baglamak, daňmak. *Çagany kössekläp saklap bolmaz.*

**KÖSSEKLEMEKLIK** [kössöklömöklük], *iş ady.* Kösseklemek ýagdaýy

**KÖSSEKLEMEZLIK** [kössöklömözlük], *iş ady.* Kösseklemek işini etmezlik, kössek salmazlyk, kössek bilen baglamazlyk.

**KÖSSEKLENMEK** [kössöklönmök], *işl.* **1.** Kössek bilen baglanmak. *Ol ýaby obanyň gyrasyndaky sonarlyga kösseklenip goýberilipdir.* **2.** *göç. m.* Öz ugruna goýberilmezlik, aýagy baglanmak.

**KÖSSEKLEŞDIRMEK** [kössöklöşdürmök], *işl.* Birnäçe ýabynyň ýa-da eşegiň aýagyny kösseklemek, kössek salyp çykmak. *Ol myhmanlaryň ýabylaryny kösseklеşdirip ýördi.*

**KÖSSEKLEŞMEK** [kössöklöşmök], *işl.* **1.** Kössek bilen baglamaga kömekleşmek. *Ol ýabylary kösseklеşdi.* **2.** Bile kösseklemek. *Olar atlary kösseklеşip durdular.*

**KÖSSEKLETMEK** [kössöklötmök], *işl.* **1.**Kössek bilen baglatmak, kössek bilen daňdyrmak. *Eşegi kössekletmek.* **2.** *göç. m.* Öz ugruna goýbermezlik, aýagyny baglatmak. *Kakaň gelsin bakaly, men oňa seniň aýagyňy kösseklederin.*

**KÖSSEKLEÝIŞ** [kössöklöýüş], *iş ady.* Kösseklemek ýagdaýy.

**KÖS** [kö:s], *at, sazç.* Ýörite ýasalan tokmajyklar arkaly kakylyp çalynýan saz guraly. *Kös kakylyp çalynýan saz gurallarynyň iň ulusydyr.*

**KÖST** [kö:s(s)], *at.* **1.** Bir zatda, işde bolýan kemçilik, ýetmez, ýetmezçilik. *Onuň eden işiniň kösti bolmaz.* **2.** Zyýan, zelel, zeper. *Onuň üstüne-de, bütin ile kösti ýetdi* (B. Kerbabaýew).

**KÖSTLI** [kö:slü], *syp.* Kemi, ýetmezi bar, köstsüz, kemçiliksiz däl.

**KÖSTSÜZ** [kö:ssüz], *syp.* Hiç bir kemçiliksiz, ýetmezi bolmadyk, kemsiz gowy. *Ekişe köstsüz taýýarlandyk.*

**KÖSÜK,** *at.* **1.** Gumda bitýän, düýbi hem ýapragy käşiriňkä meňzeş, düýbi iýilýän ýabany ösümlik. **2.** Noýba, künji ýaly ösümliklerde hasyl emele gelýän hana. *Onuň reňki saralypdyr, kösükleriniň agzy çala ýyrşaryp görünýär* (B. Kerbabaýew).

◊ **Kösük ýaly (kimin) barmak** inçeden uzyn, owadan barmak. **Kösük ýaly çişmek** gaty çişmek. *Ýykylyp agyrdan aýagy kösük ýaly çişen eken.*

**KÖSÜKLEME** [kösüklömö], *iş ady.* Kösüklemek ýagdaýy.

**KÖSÜKLEMEK** [kösüklömök], *işl.* **1.** Düýbünde kösük emele gelmek, hasyla durup başlamak. **2.** Noýba, künji ýaly ekinleriň hasyly görnüp başlamak.

**KÖSÜKLEMEKLIK** [kösüklömöklük], *iş ady.* Kösüklemek ýagdaýy.

**KÖSÜKLI** [kösüklü], *syp.* Kökünde hasyl emele gelyan ösümlik (käşir, şugundyr we ş.m.) . *Kösükliler maşgalasy käşir, şugundyr ýaly ekinleri öz içine alýar.*

**KÖSÜKLEÝIŞ** [kösüklöýüş], *iş ady.* Kösüklemek ýagdaýy.

**KÖŞE** [kö:şö] **I,** *at, kön. s.* Burç, çet, künjek, tarap. *Her köşede nyýaz ornun gizlegin* (Magtymguly).

**KÖŞE** [kö:şö] **II,** *at.* Çuwalyň ýa-da torbanyň iki gapdalyndan ýüp geçirmek ýa-da el bilen tutup götermek üçin goýulýan halka. *Düýeleri ýygnaşdyryp, çuwallaryň köşelerine bagyny ilteşdirdi* (A. Gowşudow).

**KÖŞEK** [kö:şök], *at.* **1.** Düýäniň alty aýdan uly bolmadyk çagasy. *Akmaýa aldyrsa elden köşegin, Bagryn bozup, bozlamaýan bolarmy?* (Magtymguly).

**2.** Söýlüp, oňat görlüp çagalara, oglanlara aýdylýan söz. *Şonuň ýaly, köşegim, men özüm dogumly ýigitleri gowy görýärin* (N. Saryhanow). **3.** Oglana dakylýan at.

◊ **Köşekli düýe tamakin dällik** uly zat soramak niýeti ýokluk, uly sylaga garaşmazlyk. *Ol senden köşekli düýe tamakin däldir.*

**KÖŞEMEK** [köşömök], *işl., gepl. d., ser.* **Köşeşmek.** *Amanyň gahary köşedi.*

**KÖŞEŞDIRMEK** [köşöşdürmök], *işl.* **1.** Birini bir tär bilen ýuwaşatmak, teselli berip rahatlandyrmak, basalyk bolup, ýüregini düşüşdirmek, aram tapdyrmak. *Köşeşdirjek bolup, teselli berjek bolup, azara galmaň* (A. Nazarow). **2.** Märekäniň, adamlaryň sesini, gowruny ýatyrmak.

**KÖŞEŞMEK** [köşöşmök], *işl.* **1.** Ýüregiň düşüşmek, aram tapmak, ynjalyk aralaşmak; gaharyň ýatyşmak. **2.** Ýagnyň ýagmasy, ýeliň ösmesi ýaly zatlar ýatyşmak, peselişmek, diňişmek. *Ýagyş biraz köşeşdi, howa açyljak ýaly etdi* (B. Kerbabaýew). **3.** Märekäniň, üýşen adamlaryň sesi, gowry ýatyşmak.

**KÖŞETMEK** [köşötmök], *işl.* **1.** Teselli berip rahatlandyrmak, ynjaltmak, ýuwaşatmak, köşeşdirmek. *Ýaplanyp oturan kepbesine oýkanyp, ýagyrnysynyň gijisini köşetdi* (H. Derýaýew). **2.** Gepgürrüňi, galmagaly we ş.m. ýuwaşatmak, ýatyrmak, peseltmek.

**KÖŞEÝIŞ** [köşöýüş], *iş ady.* Köşemek ýagdaýy.

**KÖŞK** [köşük], *at.* **1.** Ýurduň baştutanynyň bolýan jaýy. **2.** Gurluşyk, binaçylyk aýratynlygy bilen tapawutlanýan jemgyýetçilik maksatly uly jaý, ymarat. *Ol mundan beýläk ruhy we medeni merkeze öwrülip, halka hyzmat eder* ("Watan"). *Ruhyýet koşgi.*

**KÖTEGARABA** [kötöğarava], *at, gepl.d.* Tigriniň daşy demir gurşawly araba.

**KÖTEK** [kötök], *at.* **1.** Urgy, ýumruk, bir zadyň depesinden inderilýän agyr zat. *Kötek güýçli bolsa, ýüň gazyk ýere girer* (Nakyl). **2.** *göç. m.* Berilýän igenç, iňirdi; tankyt.

◊ **Kötek iýmek** urulmak, ýenjilmek, käýelmek, igenç eşitmek.

**KÖTEKLEME** [kötöklömö], *iş ady.* Köteklemek ýagdaýy.

**KÖTEKLEMEK** [kötöklömök], *işl.* Ýazgarmak, iňirdemek, igenmek; tankyt astyna almak.

**KÖTEKLENMEK** [kötöklönmök], *işl.* Kötek iýmek, igençli käýelmek. *Geçen ýygnakda ol gaty köteklenipdir.*

**KÖTEKLEŞMEK** [kötöklönmök], *işl.* Biri-biriňi köteklemek.

**KÖTEKLETMEK** [kotöklötmök], *işl.* Igenç, käýinç azabyny çekdirtmek.

**KÖTEKLEÝIŞ** [kötöklöýüş], *iş ady.* Köteklemek ýagdaýy.

**KÖTEL** [kötöl], *at.* **1.** Ýoluň kem-kemden beýgelýän ýeri, ýapy ýokary galýan, çykmasy agyr ýol. *Olar atlaryny käte ýorgaladyp, käte säpjedip, daglaryň jülgelerini syryp, belent-belent kötellerden geçipdirler* (N. Pomma). **2.** *göç. m.* Kynçylyk, azap, agyr ýagdaý.

**KÖTELLI** [kötöllü], *syp.* Ýapy ýokary galýan, kötel ýerli. *Kötelli ýollar.*

**KÖTELLIK** [kötöllük], *at.* Kötel ýer.

**KÖW,** *at.* Suwuň gitmegi, toplanmagy sebäpli köwlen ýer. *Murgap derýasynyň aýagy ýagşy guma girip giden ýerinde Garaçuňňul atly bir köw bardy* (H. Derýaýew).

**KÖW: köw salmak** gara bermek, bir ýerde görünmek, köwlemek. *–Dagy-duwara biziň gapymyza köw salaýsaň, heziliňi alaryn – diýip, onuň yzyndan hemle urdy* (A. Gowşudow).

**KÖWDÜRMEK** [köwdürmök], *işl.* Bir ýeri ýa-da bir zadyň düýbüni birine oýdurmak. *Köne jaýyň diwarynyň aşagyny köwdürmek.*

**KÖWEJEKLEMEK** [köwöjöklömök], *işl.* Howatyrly garanyp, bir zadyň töwereginde aýlanyp ýörmek. *Ol Jumagülüň öýüniň töwereklerinde köwejekläp ýördi.* ("Edebiýat we sungat"). *Nalaç bolup, içerden çykyp gitdi bu garry, Köwejekläp, yzyna bakyp gitdi bu garry* (M. Seýidow).

**KÖWEJEKLEŞMEK** [köwöjöklöşmök], *işl.* Köp bolup köwejeklemek. *Okuwyna gijä galan çagalar mekdebiň töwereginde köwejekleşip ýördüler.*

**KÖWEJEŇLEMEK** [köwöjöňlömök], *işl., ser.* **Köwejeklemek.**

**KÖWEJEŇLEŞMEK** [köwöjöňlöşmök], *işl., ser.* **Köwejekleşmek.**

**KÖWEK** [köwök], *at.* **1.** Agaçlarda, köne haýatlaryň düýbünde we ş.m. ýerde gazylan hin, çukurjyk. *Selbi göz açyp-ýumasy salymda güjümiň köweginde gizlendi* (N. Jumaýew). **2.** Daglarda, depelerde we ş.m. ýerde tebigy suratda emele gelen gowak. *Aýagy gapanly ýyrtyjy özüni köwege atypdyr-da, şol ýerde ýatypdyr.* **3.** *at, göç.m.* Oýnalyp ýören, oýnatgy, aňkaw, mah, boş, akylsyz. *Sen-ä bir köwek ekeniň.*

**KÖWEKLIK** [köwöklük], *at.* **1.** Köwek köp ýer. **2.** Oýnatgylyk, köwegiň gylyk-häsiýeti. *Köwekliginden peýdalanyp, ony her kim bir ugra küşgürýär.*

**KÖWELIŞ** [köwölüş], *iş ady.* Köwelmek ýagdaýy.

**KÖWELIŞMEK** [köwölüşmök],*işl.* Hinleriň we ş.m. agzy köwek ýaly bolup, haňlap durmak. *Toplaryň nilleriniň agzy köwelişip dur* ("Edebiýat we sungat").

**KÖWELME** [köwölmö], *iş ady.* Köwelmek ýagdaýy.

**KÖWELMEK** [köwölmök], *işl.* Biriniň ýa bir zadyň gapdalynda gomalyp ýörmek, köwejeklemek, aýak üstünde galgamak.

**KÖWELMEKLIK** [köwölmöklük], *iş ady.* Köwelmek ýagdaýy.

**KÖWELTMEK** [köwöltmök], *işl.* **1.** Bir zadyň içine ýel düşüp gübermek, gallagmak. *Ol ilki öýünden çykyp batly ugranynda jiltgesini ýel köweltdi* (A. Durdyýew). **2.** Köwek ýaly edip, agzyny giňden açmak. *Agzyny köweldip, ile geplemäge ýol bermedi.*

**KÖWERJEKLEMEK** [köwörjöklömök], *işl., ser.* **Köwejeklemek.** *Itden gorkanyň bolşy ýaly, birnäçe gezek yzyna garanjaklap, köwerjekläp gitdi* (B. Kerbabaýew).

**KÖWERJEKLEŞMEK** [köwörjöklöşmök], *işl., ser.* **Köwejekleşmek.**

**KÖWLEME** [köwlömö] **I, II,** *iş ady.* Köwlemek ýagdaýy.

**KÖWLEMEK** [köwlömök] **I,** *işl.* Bir ýa birnäçe zadyň düýbüni dowamly köwmek, köwüp goparmak. *Olar töňňeleri köwläp aýyrmagy, ýeri sürüp, oňa gowaça ekmegi karar etdiler. Käşir köwlemek.*

**KÖWLEMEK** [köwlömök] **II,** *işl.* Ara köp wagt salman gelmek, aýlanmak; gijä galman gelmek, wagtynda yzyňa dolanmak.*Ynha, bir aý dagy boldy welin, şol yzyny köwlemän gidişi* (H. Derýaýew). *Toýa gitseň git weli, öýüňize wagtynda köwläweri.*

**KÖWLEMEKLIK** [köwlömöklük] **I, II,** *iş ady.* Köwlemek ýagdaýy.

**KÖWLENMEK** [köwlönmök] **I,** *işl.* Bir zadyň, diwaryň düýbi oýulmak; köwlüp aýrylmak.

**KÖWLENMEK** [köwlönmök] **II,** *işl.* **1.** Ara ep-esli wagt salyp, yzyňa dolanmak. *Aýdogdy ir bilen turup gidişine, öýe gün öýleden agansoň köwlendi* (T. Gurbanow). **2.** Aýlanyp, towlanyp akmak; pyrlanyp, aýlanyp gitmek. *Ol köwlenip, ümdüzine giden tüweleýiň yzyndan seredip galdy.*

**KÖWLEŞDIRMEK** [köwlöşdürmök], *işl.* Bir ýanyndan köwläp çykmak. *Itgyzganyň düýbüni köwleşdirmek.*

**KÖWLEŞMEK** [köwlöşmök], *işl.* **1**. Köwlemäge kömekleşmek. *Ol agasyna töňňe köwleşdi.* **2**. Bilelikde köwlemek. *Oglanlar käşir köwleşip ýördüler.*

**KÖWLETMEK** [köwlötmök], *işl.* Köwlemek işini başga birine etdirmek. *Agajyň düýbüni köwletmek.*

**KÖWLEÝIŞ** [köwlöýüş] **I, II,** *iş ady.* Köwlemek ýagdaýy.

**KÖWME** [köwmö], *iş ady.* Köwmek ýagdaýy.

**KÖWMEK** [köwmök], *işl.* Bir ýeri, bir zadyň ýüzüni ýa-da düýbüni, aşagyny oýmak, gazmak. *Ahyrynda göterim edilen ýoluň dört-bäş metr möçberinde aşagyny köwdüler* (B. Kerbabaýew).

**KÖWMEKLIK** [köwmöklük], *iş ady.* Köwmek ýagdaýy.

**KÖWMEZLIK** [köwmözlük], *iş ady.* Köwmek işini etmezlik.

**KÖWRE** [köwrö], *at.* Siliň oýup giden ýeri. *Ol köwre güzere nije düşüp sen* (Magtymguly).

**KÖWREKAK** [köwrökak], *at.* Guradylan gyr çomujy. *Köwrekak iýeniň ygynda ýatma* (Nakyl).

**KÖWREÝIK** [köwröýük], *at.* Gumda, şorlukda, dagda gögerýän gaty baldakly, püri bogun-bogun köp ýyllyk ösümlik. *Meýdan titir, köwreýik, şora, ýowşan bilen basyrylgy* ("Edebiýat we sungat").

**KÖWSAR** [köwsa:r]: **köwsar urmak.** *ser.* **Köwsarlamak.** *Köwsar urýan ýeller, suwly ýagyşlar, Çyn söýginiň odun söndürmeýärler* (R. Seýidow).

**KÖWSARLAMA** [köwsa:rlama], *iş ady.* Köwsarlamak ýagdaýy.

**KÖWSARLAMAK** [köwsa:rlamak], *işl.* Aýlanyp öwüsmek, aşyrym-aşyrym ösmek, belli bir tarapdan däl-de, dürli tarapdan öwüsmek (ýel, şemal hakynda). *Heniz ugrukmadyk şemal köwsarlap, tezek ysyny, tüsse ysyny, düýeleriň gäwüş ysyny getirýärdi* (B. Kerbabaýew).

**KÖWSARLAMAKLYK** [köwsa:rlamaklyk], *iş ady.* Köwsarlamak ýagdaýy.

**KÖWSER** [köwsör], *at.* Hyýaly jennet çeşmesi. *Köwsere ýuwupdyr ýar syýa saçyn, Agyz diýen etmez, tilden uýalar* (Mollanepes).

**KÖW-SÖW: köw-söw etmek** bir ýerde aýlanyp, aýlanjyrap ýörmek, işli-işsiz gezelenç etmek. *Ol ekiniň golaýynda köw-söw edip ýördi.*

**KÖWÜK I,** *at.* Ýabany pişige meňzeş ýyrtyjy haýwan. *Gumuň käbir ýerlerinde köwükler we alajagözenler hem ýaşaýarlar.*

**KÖWÜK II,** *syp.* Köwek bolup duran, köwlen (ýer). *Agajyň bir gapdaly adam giräýmeli köwükdi.*

**KÖWÜLMEK** [köwülmök], *işl.* Bir zadyň, jaýyň we ş.m. düýbi oýulmak, gazylmak. *Köne jaýyň düýpleri köwlüp, üstüňe ýykyljak bolup dur.*

**KÖWÜM-KÖWÜM**, *syp.* Köp ýer köwlen. *Alaňňyrtlar mal ýatagyň töweregini köwüm-köwüm edipdir.*

**KÖWÜNMEK** [köwünmök], *işl.* Özüň üçin köwmek, köwläp almak. *Men gumda kösük köwündim.*

**KÖWÜŞ I,** *at.* Aýaga geýilýän gonçsuz aýakgaplaryň umumy ady. *Ol mele mesisini taýly gezek sypalaşdyryp, köwüşlerini golaýyna getirip goýdy* (B. Seýtäkow).

**KÖWÜŞ II,** *iş ady.* Köwmek ýagdaýy.

**KÖWÜŞÇI** [köwüşşü], *at.* Köwüş tikýän, köwüş ýamaýan, aýakgap bejerýän ussa. *Köwüşçä ädigimiň ökjesine nal kakdyrdym.*

**KÖWÜŞDIRMEK** [köwüşdürmök], *işl.* Birnäçe ýeri köwüp çykmak, köwüm-köwüm edip gazyşdyrmak. *Elleri kiçijik pillije çagajyklar jaýyň töweregini köwüşdirip çykypdyr.*

**KÖWÜŞLEMEK** [köwüşlomok], *işl., gepl. d.* Kowuiş bilen urmak. *Onuň agzyny köwüşlemeli bolupdyr.*

**KÖWÜŞLIK** [köwüşlük], *syp.* Köwüş tiker ýaly, köwüş tikmek üçin niýetlenen. *Köwüşlik teletin.*

**KÖWZEME** [köwzömö], *iş ady.* Köwzemek ýagdaýy.

**KÖWZEMEK** [köwzömök], *işl.* **1**. Bugdaýyň, künjiniň we ş.m. dänelerini gaba salyp, silkeläp arassalamak. *Ol bugdaýy köwzäp arassalady.* **2**. Soka salyp, gabygyny döwmek, aýyrmak.

**KÖWZELMEK** [köwzölmök], *işl.* **1**. Bugdaýyň, künjiniň we ş.m. däneleri gaba salnyp, silkelenip arassalanmak. **2**. Soka salnyp, gabygy döwülmek, aýrylmak.

**KÖWZEMEKLIK** [köwzömöklük], *iş ady.* Köwzemek ýagdaýy.

**KÖWZEŞDIRMEK** [köwzöşdürmök], *işl.* Köwzäp çykmak, köwzäp arassalaşdyrmak. *Ol bugdaýy, künjini köwzeşdirdi.*

**KÖWZEŞMEK** [köwzöşmök], *işl.* **1**. Köwzemäge kömekleşmek. *Bugdaý köwzeşmek.* **2**. Bilelikde köwzemek. *Aýallar bugdaý köwzeşip durdular.*

**KÖWZETMEK** [köwzötmök], *işl.* Köwzemek işini başga birine etdirmek.

**KÖWZEÝIŞ** [köwzöýüş], *iş ady.* Köwzemek ýagdaýy.

**KÖÝ** [kö:ý], *at,* Pikir-hyýal, oý; küý. *Günde ýüz köý geler-geçer bu başa, Agyrtma, sözümi ýykmagyl, oglum* (Magtymguly). *Tapmadym, nädeýin, ýok eken öýde, Galdym şol wagtda tükenmez köýde* (A. Kekilow).

**KÖÝDÜRIŞ** [köýdürüş], *iş ady.* Köýdürmek ýagdaýy.

**KÖÝDÜRME** [köýdürmö], *iş ady.* **1.** Köýdürmek ýagdaýy. **2.** *at.* Gyzgyn unaşyň, belkäniň üstüne agaran guýlup taýýarlanýan nahar.

**KÖÝDÜRMEK** [köýdürmök], *işl.* **1.** Bir zady otda öte gowurmak, ýakyp zaýalamak. *Ol tamdyra ýapan çörekleriniň birnäçesini gülledipdir, ody köp salyp köýdüripdir.* **2.** *göç. m.* Biriniň janyny ýakmak, çykgynsyz ýagdaýa salmak, bagryny ýakmak. Näz *bilen köýdürme bizi, Gyz juwan, suw ber içeýli* ("Görogly"). **3.** *göç. m.* Puluň hümmetine görä düşýän harydy alman, ony biderek zada harç etmek, biderek zada sowmak, ýerliksiz harçlamak. *Maňa bir eden zadyňam bolmaz-da, diňe şol puly köýdürersiň* (B. Kerbabaýew). **4**. *göç.m.* Pul çalşygynda bar bolan pullaryňy bellenen möhletde täze pula öwürmän, olaryň köýmegine sebäp bolmak, ýerine täze pul alyp bilmezlik. *Şu aýyň içinde pullaryňy täze pula çalyşmasaň, hemmesini köýdürersiň.*

**KÖÝLENMEK** [kö:ýlönmök], *işl.* Bir zadyň pikir-hyýalyny etmek, oýa batmak. *Ol näme oýlanýar, näme aýlanýar, Ol näme köýlenýär, näme küýlenýär?* (N. Pomma).

**KÖÝME** [köýmö], *iş ady.* Köýmek ýagdaýy.

**KÖÝMEK** [köýmök], *işl.* **1**. Gyzgyn zadyň täsiri netijesinde ýanmak, ýanyp bişmek. *– Ah, elim köýdi, goýber! – diýdi* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. Köp ulanylyp ýa-da gaty gyzyp zaýalanmak. *Lampa köýüpdir.* **3**. *göç. m.* Bir zadyň ugrunda janyňy ýakmak, bagryňy ýakmak. **4**. *göç.m.* Zähmetiň biderek gitmek, çeken azabyň reýgan bolmak, ýerine düşmezlik. **5**. Pul çalşygynda çalşylmadyk pul dolanyşykdan galmak. **6**. *gepl.d.* Puluň satyn alyş hümmeti örän aşak düşmek, peselmek.

**KÖÝMEKLIK** [köýmöklük], *iş ady.* Köýmek ýagdaýy.

**KÖÝMET** [köýmöt], *at.* Aýallaryň pişmedir çapady bişirip, toýa eltýän sowgatly saçagy. *Her gün saçak, pişme-köýmetli gelen aýallar oglany ýüzüne sylýarlar* (A. Gowşudow).

**KÖÝNEK** [köýnök], *at.* Her hili matadan tikilýän, egne geýilýän ýuka geýim. *Onuň egninde keteni köýnegi, mahmal kürtesi bardy* (G. Kulyýew). *Köýneginiň jübüsinden eplengije depder-kagyzyny çykardy-da, epinlerini ýazyşdyrdy* (K. Berdiýew).

**KÖÝNEKÇE** [köýnökçö], *hal.* **1.** Egni diňe köýnekli, köýnegiň daşyndan hiç zat geýmedik. *Ertirine we agşamyna köýnekçe... gezmek mümkin däldi* (N. Esenmyradow). **2**. *at.* Atyň eýeriniň üstüne atmak üçin haly ýaly dokalýan ýa-da palas ýaly öýdelýän gyrasy seçekli esbap, jul. *Köýnekçäni agdygrak saldy* ("Görogly").

**KÖÝNEKLIK** [köýnöklük], *at.* Köýnek bolar ýaly, köýnek tikmäge niýetlenen (mata). *Men ertir bazardan gelşime iň gymmatbaha ýüpek köýneklik alyp bererin* (N. Saryhanow).

**KÖÝÜK**,*at.* Ýanyk, ýanan zat. *Birdenkä köýük ysy gelip başlady* ("Edebiýat we sungat").

**KÖÝÜP-BIŞMEK,** *işl., ser.* **Köýmek 3.** *Oňa ene süýdüni emdirmänligine köýüp-bişýärdi* (G. Kulyýew).

**KÖÝÜŞ,** *iş ady.* Köýmek ýagdaýy.

**KÖZ** [kö:z], *at.* **1.** Ýanyp, küle ýa-da kömre öwrülmedik ot bölegi, tokga ot. *Gazanyň gapdalyndaky ojakda diňe köz gyzaryp ýatyrdy* (B. Seýtäkow). **2.** *göç.m.* Köz ýaly, közüň täsiri ýaly. *Eşitseň ýaman söz ýagşy dostuňdan, Ýanar durar, ýüregiňde köz bolar* (Seýdi).

**KÖZEME** [kö:zömö], *iş ady.* Közemek ýagdaýy.

**KÖZEMEK** [kö:zömök], *işl.* Köze öwrülmek. *Ýanyp duran ojar oduny soňabaka közäp başlady.*

**KÖZEŞMEK** [kö:zöşmök], *işl.* Bir ýanyndan közäp ugramak. *Ojakdaky omçalar közeşip ugranda, çopan gara kündügi közüň içine süssürip oturtdy.*

**KRATER** [kyra:ter], *at.*Ýanardagyň (wulkanyň) çür başynda ýerleşýän we içinden ot, gyzgyn läbik, kül atylyp çykýan deşik.

**KREMASIÝA** [kirema:siýa], *at.* Aýratyn peçlerde ölen adamyň jesedini ýakmaklyk. *Kremasiýa etmek.*

**KREMATORIÝ** [kiremato:riý], *at.* Kremasiýa etmek üçin ýörite abzallaşdyrylan jaý.

**KREMNIÝ** [kire:mniý], *at.* Metal ýaly ýalpyldyly garamtyl-çal kristallar, himiki element.

**KRISTAL** [kirista:l], *at, him.* Bölejikleri (atomlary, ionlary ýa-da molekulalary) belli bir yzygiderlilikde gaýtalanýan tertipde ýerleşen (gaty ýa-da suwuk) jisim.

**KROKODIL** [kyrakady:l], *at.* Tropik ýurtlarda suwda ýaşaýan galyň hamly süýreniji haýwan.

**KROWAT** [kyrava:t], *at.* Üstünde ýatmak üçin agaçdan ýa-da metaldan ýasalan dört aýakly, bir adamlyk ýa-da iki adamlyk öý goşy, mebel.

**KUB** [ku:p], *at.* **1**. *mat.* Bir sanyň üçünji derejesi. **2**. Göwrüm ölçeg birligi.

**KUBOK** [ku:bok], *at, sport.* Sport ýaryşlarynda berilýän baýrak. *Hormatly Prezidentimiziň gysga döwürde Halkara karate federasiýasy tarapyndan gara guşagyň iň ýokary 6-njy danyna, Aziýanyň Olimpiýa geňeşiniň ordenine, Halkara awtomobil federasiýasynyň we "Ýüpek ýoly 2009" rallisiniň guramaçylyk komitetiniň ýokary Kubogyna mynasyp bolmagy milli Liderimiziň halkara ykrarnamasyna eýe bolýandygyny aňyrýany bilen subut edýär* ("Saglyk").

**KUHHA-KUHHA** [kuhho-kuhho]**: kuhha-kuhha etmek** *ser.* **Kühhe-kühhe etmek**

**KUWWAT** [kuwwa:t], *at.* **1.** Güýç, gujur, gurbat, gurp, gaýrat. **2.** Elektrik energiýasynyň güýjüni häsiýetlendirýän ululyk. *Elektrik togunyň kuwwaty.* **3.** Oglana dakylýan at.

**KUWWATLANDYRMAK** [kuwwa:tlan-nyrmak], *işl.* **1.** Bir zadyň güýjüni artdyrmak, gurbuny köpeltmek, kuwwat bermek. *Gulam Seýdi şahyra nan-suw berip, ony birnemejik kuwwatlandyrypdyr* (N. Pomma). **2.** Ykdysady, harby, tehniki taýdan güýçlendirmek, güýjüni köpeltmek, artdyrmak. *Ýurduň goranyş ukybyny kuwwatlandyrmak.*

**KUWWATLANMAK** [kuwwa:tlanmak], *işl.* Bir ugurdan güýçli bolmak, güýçlenmek. *Parahatlyk saýasynda, Ös, kuwwatlan, ganatlan!* (A. Kowusow).

**KUWWATLY** [kuwwa:tly], *syp.* **1.** Kuwwaty bar, beden taýdan gujurly, güýçli. *Kuwwatly gol.* **2.** Ykdysady, harby, tehniki taýdan güýçli, hemme tarapdan ösen.

**KUWWATLYLYK** [kuwwa:tlylyk], *at.* **1.** Fiziki taýdan güýçlülik, kuwwaty barlyk, kuwwatsyz dällik. *Pälwanyň goşarynyň kuwwatlylygy daşyndanam bildirip durdy.* **2.** Ykdysady, harby, tehniki taýdan güýçli, ösen ýagdaýda bolmaklyk.

**KUWWATSYZ** [kuwwa:ssyz], *syp.* **1.** Kuwwaty ýok, kuwwatly däl, güýçsüz. *Ol kuwwatsyz gollary bilen kakasynyň boýnundan asyldy.* **2.** Ykdysady, harby we tehniki taýdan gowşak.

**KUWWATSYZLANDYRMAK** [kuwwa:ssyz-lannyrmak], *işl.* Birini kuwwatdan gaçyrmak, kuwwatsyz ýagdaýa salmak, güýçsüzlendirmek. *Kesel ony kuwwatsyzlandyrypdyr.*

**KUWWATSYZLANMAK** [kuwwa:ssyz-lanmak], *işl.* Güýçden galmak, kuwwaty gaçmak, gurpdan düşmek. *Ol kesel zerarly ýyl-ýyldan kuwwatsyzlanýar.*

**KUWWATSYZLYK** [kuwwa:ssyzlyk], *at.* Kuwwatsyz halda bolmaklyk, güýçsüzlik, gurpsuzlyk; ysgynsyzlyk. *Soňky gezek göreş tutanda, pälwanyň kuwwatsyzlygy bildirdi.*

**KUÝAŞ** [kuýoş], *at, şahyr.* Gün (togalak şekilli örän gyzgyn asman jisimi). *Husnuňa tap bermez kuýaşyň nury, Ýüzüň meňzär mahy-tabana, gözel* (Kemine).

**KUÝUN,** *at.* Tüweleý. *Köýüňde kuýun deý awara bolsam* (Mollanepes).

**KÜÇEN** [küçön], *at.* Düýe ýa ýaby bilen ýer sürlende malyň boýnunyň sürtülmezligi üçin, boýunturugyň astyndan, samaçawlaryň aralygyndan togalanyp, düýrlenip goýulýan köne keçe we ş.m. zat. *Alaşa boýnuna küçen salnyp, boz agta ýanaşdyrylanda haýkyrdy* (B. Kerbabaýew).

◊**Küçen ýaly** düýrlenen ýaly, togalanan ýaly, bükülen ýaly. *Ol küçen ýaly bolup bükülip ýatyrdy.*

**KÜÇENLIK** [küçönlük], *syp.* Küçen eder ýaly, küçen etmäge ýaramly, küçen etmäge niýetlenen. *Küçenlik köne güpbi.*

**KÜDE** [küdö], *at.* **1.** Bir ýere basylan bede, ýandak we ş.m. üýşmegi, küt. *Ot küdeleri.* **2.** *göç.m.* Tertipli-tertipsiz baslygyp ýatan zatlaryň toplumy. *Içi gyrlyp taşlanan pelleler, baýryň bir bölegi ýaly, küde bolup ýatyr* (B. Kerbabaýew).

**KÜDE-KÜDE** [küdö-küdö], *syp.* Üýşürilip goýlan birnäçe küde; üýşmek-üýşmek, topbak-topbak. *Otlar küde-küde edilip üýşürilipdir.*

**KÜDELEME** [küdölömö], *iş ady.* Küdelemek ýagdaýy.

**KÜDELEMEK** [küdölömök], *işl.* Bedäni, ýandagy küde edip basmak, desselerden ýa petdelerden küde etmek. *Bede küdelemek işi tamamlanyp barýar.*

**KÜDELEMEKLIK** [küdölömöklük], *iş ady.* Küdelemek ýagdaýy.

**KÜDELEMEZLIK** [küdölömözlük], *iş ady.* Küde edip basmazlyk.

**KÜDELENMEK** [küdölönmök], *işl.* Ot we ş.m. zatlar küde-küde edilmek. *Ýatyrylan ýandak küdelendi.*

**KÜDELEŞDIRMEK** [küdölöşdürmök], *işl.* Bedäni, ýandagy we ş.m. bir ýanyndan küde edip başlamak, küde edip çykmak. *Ol ýatan petdeleri küdeleşdirip çykdy.*

**KÜDELETMEK** [küdölötmök], *işl.* Küdelemek işini başga birine etdirmek, bedäni, ýandagy we ş.m. küde-küde etdirmek. *Onda-munda görünýän desseleri küdeletdi.*

**KÜDELEÝIŞ** [küdölöýüş], *iş ady.* Küdelemek ýagdaýy.

**KÜDELEÝJI** [küdölöýjü], *at.* Bede ýa-da ýandak we ş.m. küde edýän, küde basmakda ulanylýan maşyn.

**KÜDÜŇ,** *at.* **1.** Geýimiň ýygyrdyny ýazmak üçin ulanylan ýylmanak daş. *Ol bukjadan çykaran ketenisiniň epin tutan ýerlerinden küdüň ýöretdi.* **2.** Harsaň keseklerini owradyp, gaty toprakly ýerleriň ýüzüni tekizlemek üçin ulanylýan gural. *– Eý, joçga, kesekleri ýörite küdüň* bilen owratmaly* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy, 105 s.).

**KÜFGAR** [küfga:r], *at, kön.s.* Kapyrlar. *Ýalançyny küfgar alsyn, oz diniňe pugta bol* (Aýtgy).

**KÜHHE-KÜHHE** [kühhö-kühhö]**: kühhe-kühhe etmek** kesellilik zerarly içiňe zor salyp üsgürmek, yzly-yzyna üsgürmek. *Ol içini çekip, eginlerini silkip, kühhe-kühhe edip, birnäçe gezek üsgürdi.*

**KÜJI** [küjü], *at.* Dokalýan dokmanyň erşine bat berýän, erişleriň ornuny çalşyrýan halka görnüşli ýüp.

◊ **Küji agajy** daşyna küji ýüpi aýlanýan, dokmanyň erşini ýokary göterýän, dokmanyň ini bilen deň togalak agaç. **Küji galdyrgyç** küji agajynyň iki ujunyň aşagynda goýulýan, palçykdan edilen dikeç, küji ýassyk. **Küji susmak** küji dokmanyň erşine gyradeň barmadyk wagtynda el bilen eltmek. **Küji ýassyk** ser. **Küji galdyrgyç. Küji ýüp** küji etmek üçin ýörite bükdürilen ýüp.

**KÜJÜLEME** [küjülömö], *iş ady.* Küjülemek ýagdaýy.

**KÜJÜLEMEK** [küjülömök], *işl.* Dokma ýüwürtmekde erişleri küjüden geçirmek; küji etmek. *Dokmanyň erşini küjülemek.*

**KÜJÜLEMEKLIK** [küjülömöklük], *iş ady.* Küjülemek ýagdaýy.

**KÜJÜLENMEK** [küjülönmök], *işl.* Dokmanyň erşi küjüden geçirilmek.

**KÜJÜLEŞMEK** [küjülöşmök], *işl.* **1**. Küjülemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde küjülemek.

**KÜJÜLETMEK** [küjülötmök], *işl.* Küjüllemek işini başga birine etdirmek.

**KÜJÜLEÝIŞ** [küjülöýüş], *iş ady.* Küjülemek ýagdaýy.

**KÜKEDIŞMEK** [küködüşmök], *işl.* Birnäçe bolup çilim tüssesini küketmek. *Çilim kükedişip durmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**KÜKEME** [kükömö], *iş ady.* Kükemek ýagdaýy.

**KÜKEMEK** [kükömök], *işl.* Dürli ys gelmek, ýakymly-ýakymsyz ys ýaýramak, burnuňa urmak. *Päkize geýimleriň, dürli atyrlaryň ysy kükeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**KÜKEMEKLIK** [kükömöklük], *iş ady.* Kükemek ýagdaýy.

**KÜKEŞMEK** [kököşmök], *işl.* Birnäçe zadyň ysy ýaýrap durmak, gelip durmak. *Dürli gülleriň ysy kükeşýärdi.*

**KÜKETMEK** [kükötmök], *işl.* Ys ýaýratmak, ys döretmek.

**KÜKEÝIŞ** [küköýüş], *iş ady.* Kükemek ýagdaýy.

**KÜKREK** [kükürök], *at.* Adamyň ýa-da haýwanyň döşi, göwsi.

◊**Kükrek germek** bir maksat, iş üçin gaýduwsyz durmak, jan gaýgyrmazlyk. *Sen meni ösdürdiň, kükregiň gerip, Arslan ýürek gahrymanyň asly sen* (A. Kekilow).

**KÜKREME** [kükürömö], *iş ady.* Kükremek ýagdaýy.

**KÜKREMEK** [kükürömök], *işl.* 1. Lummur-lummur edip seslenmek, agzyny ak köpük edip esremek (erkek, iner hakynda). *Kükräp bugra dek dalaşan, Ýolbars gaplaň, şiri bardyr* ("Görogly"). *Aý gider Aýa garşy, Ner kükrär maýa garşy* (Halk döredijiliginden). **2.***göç.m.* Meslikden gaharlanyp, biriniň üstüne haýbat atyp sürünmek, küpürsemek. *Onuň üstüne birsyhly sürnüp kükreýärdi* (A. Nazarow).

**KÜKREMEKLIK** [kükürömöklük], *iş ady.* Kükremek ýagdaýy.

**KÜKREŞMEK** [küküröşmök], *işl.* Düýe mallar birnäçe bolup esräp, kükräp durmak (erkekler hakda). *Gyşyň çillemes erkekleri dişlerini çalşyp, agyzlaryny ak köpük edişip, biri-birine kükreşýärdi* (N. Pomma).

**KÜKREÝIŞ** [kükürööýüş], *iş ady.* Kükremek ýagdaýy.

**KÜKÜRT,** *at.* **1.** Gazylyp alynýan sary reňkli mineral, himiki element. **2.***gepl.d.* Otluçöp.

**KÜKÜRTLI** [kükürtlü], *syp.* Düzüminde kükürdi bolan. *Kükürtli suw.*

**KÜL,** *at.* Oduň we ş.m. zatlaryň ýanyp gutarandan soňky galan külke çal galyndysy. *Perzent bolmasa düýbüňden, Gam-gussa basar gün-günden, Kim ogulsyz ötse mundan, Ojagynda küller galmaz* (Seýdi).

◊**Kül bolmak 1**) kül-uşak bolmak, döwlüp bölek-bölek bolmak. *Ýere gaçyran käsesi kül bolupdyr*. **2**) güýçli derejede şikes ýetmek, gaty zaýalanmak. *Maşyn heläkçiliginde "Toýotasy" kül bolupdyr*. **3**. Sowlup gutarylmak, bary harçlanmak. *Belli bir alan zadymam ýok weli, bäş günüň içinde toplanja pullarymyň bary kül boldy*. **4**) syzlap gaty agyrmak. *Köp işläp ýadapdyryn öýdýän, elim, aýagym kül bolupdyr, agyrysyna çydamajak bolýan.* **Kül dökmedik ýeri ýok** belli bir ýerde, işde ýerlemän, bir ýerde uzak durman, ondan-oňa göçüp-gonup ýören (adam). **Küle dönmek.** *ser.* **Kül bolmak.** *Ümmülmez ýogyn agaçlar gara ýanyk bolup, küle dönüpdir* (A. Gowşudow). **Kül etmek 1)** kül-uşak etmek, döwüp bölek-bölek etmek. *Elindäki çäýnekleri ýere gaçyryp kül etdi.* **2)** güýçli derejede şikes ýetirmek, gaty zaýalamak. *Maşynyny degrip, kül eden eken.* **3**. Sowup gutarmak, baryny harçlamak. *Pul boldy – kül boldy*. **Külüni göge sowurmak** ýok etmek. **Bagtyň küle çökmek** durmuşyň ugruna bolman bulaşmak, edeniň ugruna bolman, ters düşmek; işiň gaýtmak. *Bagtyň küle çökmesin.*

**KÜLAL** [küla:l], *at.* Küýzegär.

**KÜLALTAMDYR** [küla:ltamdyr], *at.* Küýzegärleriň ýasaýan tamdyry.

**KÜLATAR,** *at.* Ojagyň küli syrylyp, toplanyp dökülýän susak.

**KÜLBE** [külvö], *at.* **1.** Ýaşamak üçin sümelge, ýaşamak mümkin bolan bolgusyzja küme, kepbe. **2.***gepl.d.* Ýaşaýyş jaýy, öý. *Sen öz külbäňi nirede-de bolsa, suwuň kenarynda dikgin* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Külbesini arkasyna daňmak** kowmak, göçürip goýbermek.

**KÜLBIKE** [külvi:ke], *at.* Eliň ýa-da aýagyň barmaklarynyň iň kiçisi, başam barmakdan soň dördünji barmak.

**KÜLÇE** [külçö], *at.* Un, ýag, ýumurtga goşulyp, süýde ýugrulyp, ýörite bişirilýän kiçijik tegelek çörek, köke.

**KÜLDAN** [külla:n], *at.* Çilimiň küli kakylýan, galyndysy taşlanýan gap, guty.

**KÜLE** [külö], *syp.* **1.** Guýrugy kesik, kelte guýrukly; jonnuk, gysga, kelte. *Küle köpek art penjeleri bilen ýer dörüp, ýüzüni nobura bakan tutup hyňranýardy* (B. Kerbabaýew). **2.**Oglana dakylýan at.

**KÜLEÇE** [külöçö], *at.* Daşyna begres, mahmal we ş.m. daşlyk çekilen gysga aýal içmegi. *Ejemden galan küleçäni hökman geýerin, kaka!* ("Edebiýat we sungat").

**KÜLEMBIBI** [külömmi:vi], *at, ser.* **Külbike.**

**KÜLEMBIKE** [külömmi:ke], *at, ser.* **Külbike.** *Kirişleriň goşulyp gaýdýan perdesine külem barmagyny basyp durdy-da, dutaryň gapagyny basdy* (N. Saryhanow).

**KÜLJERMEK** [küljörmök], *işl.* **1**. Küle öwrülip başlamak. *Ussa aga bolmasa-da, körükde küljerip*

*ýatan kömrüň ýap-ýaňyja-da körändigine gözümi ýetirdim* (R. Gelenow). **2**. Ýüzi ýagtylygyny ýitirip, öçügsi görnüşe geçmek. *Näme ýüzüň küljerip dur?*

**KÜLJÜMEK** [küljümök], *syp.* Küle çalymdaş reňkli, kül reňkliräk. *Onuň asly bugdaý reňk ýüzi gandym kömrüniň tozany bilen küljümek bolupdyr* (A. Gowşudow).

**KÜLKE** [külkö] **I,***syp.* Bir zadyň owranyp maýda bolan bölekleri, iri bolmadyk, bolmalysyndan ownuk, maýda. *Külke çaý.*

**KÜLKE** [külkö] **II,** *at.* Takgaz balyklar maşgalasyna degişli ownuk balyk. *Külke balygy.*

**KÜLKELEME** [külkölömö], *iş ady.* Külkelemek ýagdaýy.

**KÜLKELEMEK** [külkölömök], *işl.* Bir zady owratmak, maýdalamak, döwüp ownuk etmek. *Iri kömürleri külkelemek.*

**KÜLKELEMEKLIK** [külkölömöklük], *iş ady.* Külkelemek ýagdaýy.

**KÜLKELENMEK** [külkölönmök], *işl.* Külke, maýda, ownuk edilmek.

**KÜLKELEŞMEK** [külkölöşmök], *işl.* **1**. Külkelemäge kömekleşmek. *Duzy külkeleşmek.* **2**. Bilelikde külkelemek.

**KÜLKELETMEK** [külkölötmök], *işl.* Külkelemek işini başga birine etdirmek. *Saruny külkeletmek.*

**KÜLKELEÝIŞ** [külkölöýüş], *iş ady.* Külkelemek ýagdaýy.

**KÜL-KÜLÜNE** [kül-külünö]: **kül-külüne düşmek** bir zadyň hyýalyna, arzuwyna, yşgyna düşmek. *Durdujygam Gülnary garşylamanyň kül-külüne düşdi* (A. Gurbanow).

**KÜLLI** [küllü], *syp.* Ähli, hemme, bütin. *Külli gözelleriň hany* (Magtymguly).

**KÜL-OWRAM** [kül-owrom], *hal.* **1.** Dyr-pytrak, bölek-bölek, tike-tike, kül-uşak. *Elimdäki käse ýere gaçyp, kül-owram boldy.* **2**. Owlan ýaly, soka salnan ýaly (endam, beden hakynda). *Dört günläp kerpiç guýdum weli, endam-janym kül-owram bolupdyr.* **3.** Derbi-dagyn, kül-peýekun.

**KÜL-PAGYŞ** [kül-pağyş], *hal.* Duw-dagyn, kül-uşak, owram-owram.

**KÜL-PEÝEKUN** [kül-peýeku:n], *hal.* Derbi-dagyn, kül-uşak, dyr-pytrak, ýer bilen ýegsan. *Şeýdip, nämäniň-nämedigini aňşyrmankalar, olary kül-peýekun ederis* (B. Seýtäkow).

**KÜLPET** [külpöt], *at.* Bir zat sebäpli çekilýän ejir, azap, görülýän horluk, kynçylyk; sütem, zulum. *Garrylyk ýetişdi müň külpet bilen, Mizan ýetdi, hazan geldi, gyş galdy* (Magtymguly).

**KÜL-TALHAN,** *hal, gepl. d.* Kül ýaly, talhan ýaly, owram-owram, kül-uşak. *Sen nädip meniň dişimi kül-talhan etjek?* (G. Kulyýew).

**KÜLTEK** [kültök]: **köne kültek** könäniň tarapdary, täzelik bilen ylalaşmaýan, köneçil. *Ol gaty köne kültek adamdy.*

**KÜLTEM** [kültöm], *syp.* **1**. Külterlenen halka görnüşli toplanyp daňlan (ýüp, sim we ş.m. zat). *Çep işikde iki kültem gara ýüp asylgy durdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *at, göç.m.* Bir zadyň yzygiderli dowamy. *Pikir kültemleri ony haýsydyr bir döwürlere alyp bardy* ("Edebiýat we sungat").

**KÜLTEMEK** [kültömök], *işl.* Toplamak, ýygnamak, (esasan, iriň hakynda). *Ýara iriň kültäpdir.*

**KÜLTER** [kültör], *at, ser.* **Kültem.** *Eýeriň gaşyna ildirilen irişme bagy alyp, külterini çözmäge durdy* (H. Derýaýew).

**KÜLTERLEME** [kültörlömö], *iş ady.* Külterlemek ýagdaýy.

**KÜLTERLEMEK** [kültörlömök], *işl.* **1.** Uzyn ýüpi bir eliň bilen ujundan tutup, beýleki eliň bilen çalarak ýumulgy eliň içinde saklap, goluňy kültemiň möçberine, ululygyna baglylykda aýlamak arkaly kültem görnüşinde ýygnap daňmak, berkitmek. *Bedräniň bolsa ýüpüni külterläp, Annagulynyň eline berdi* (A. Durdyýew). **2.** *göç.m.* Uzak ýoly durman geçmek. *Otly ýoluň tanapyny külterläp barýardy.*

**KÜLTERLEMEKLIK** [kültörlömöklük], *iş ady.* Külterlemek ýagdaýy.

**KÜLTERLEMEZLIK** [kültörlömözlük], *iş ady.* Kültem-kültem etmezlik.

**KÜLTERLENMEK** [kültörlönmök], *işl.* **1.** Külter-külter, kültem-kültem edilmek. *Ol arkasyndaky boş kädini düşürmäni unudyp, bagy külterlengi bedresini elinde tutup durdy* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç. m.* Yzly-yzyna geçip durmak. *Aýlar, ýyllar şol külterlenip geçip dur.*

**KÜLTERLEŞDIRMEK** [kültörlöşdürmök], *işl.* Ýaýrap ýatan ýüpi, simi bir ýanyndan kültem görnüşinde ýygnaşdyrmak. *Ol bulaşyp ýatan ýüpleri külterleşdirdi.*

**KÜLTERLETMEK** [kültörlötmök], *işl.* Ýüpi we ş.m. külter-külter etdirmek. *Çopan ýüpleri çoluklara külterletdi.*

**KÜLTERLEÝIŞ** [kültörlöýüş], *iş ady.* Külterlemek ýagdaýy.

**KÜL-UŞAK** [kül-uşok], *hal.* Bölek-bölek, kül-owram, kül-pagyş; derbi-dagyn, dyr-pytrak. *Käse ýere gaçyp, kül-uşak boldy*

**KÜLÜŇ,** *at.* Gaty ýa-da daşlyk ýerleri gazmak üçin ulanylýan bir ujy çiş, beýleki ujy ýasyrak agyzly demir gural. *Daş asyýa bolmaz külüň urmasaň, Hiç iş kemal tapmaz, köňül bermeseň* (Talyby).

**KÜLÜŇLEMEK** [külüňlömök], *işl.* Külüň bilen gazmak, külüň urmak. *Piliň almadyk gaty ýerini külüňlemek.*

**KÜLÜŇLENMEK** [külüňlönmök], *işl.* Gaty, daşly ýere külüň urulmak. *Gaty ýerler külüňlendi.*

**KÜLÜŇLEŞMEK**[külüňlöşmök], *işl.* **1**. Birine külüňlemäge kömekleşmek. *Külüňleşäýmeseň, bu ýer maňa gazdyrjak däl.* **2**. Bilelikde külüňlemek. *Olar gaty ýeri külüňleşip durlar.*

**KÜLÜŇLETMEK** [külüňlötmök], *işl.* Külüňlemek işini başga birine etdirmek, külüňlemäge mejbur etmek. *Daşly ýeri külüňletmek.*

**KÜLÜŇLEÝIŞ** [külüňlöýüş], *iş ady.* Külüňlemek ýagdaýy.

**KÜME** [kümö], *at.* Mal-gara saklamak, goş-golam we ş.m. zatlary goýmak, şeýle hem wagtlaýyn ýaşamak üçin, köplenç, agaçdan dikilen çatma.

**KÜMEÇILIK** [kümöçülük], *at.* Köp küme dikilen ýer, kümäniň köp ýeri. *Biz oba ýetmänkäk, gawun kümeçiligi çykyp ugrady.*

**KÜMMET** [kümmöt], *at.* Mazaryň üstünde salynýan, ýokarsy gümmezli bina, gümmez. *Janyň barlygynda haýyr gazansaň, Rahat ýatjak ýeriň - kümmet ýagşydyr* (Magtymguly). *Sen indi Bezirgeniň mazarynyň üstüne kümmet galdyr* ("Görogly"). *Uzak çölde äpet kümmet, Durdy köp asyrdan bäri* (Ç. Aşyrow).

**KÜMPÜÇ,** *at.* Adamyň, haýwanyň oňurgasynyň gutarýan tarapy; türre, syrt.

**KÜMSÜK,** *syp.* Ýaman niýet bilen gizlinlikde biriniň garşysyna hereket edýän (adam hakynda). *Men seniň ýaly kümsük adamy heniz gören däldirin.*

**KÜMSÜKLIK** [kümsüklük], *at.* Misginsokarlyk, saman astyndan suw goýberenlik; köpbilmişlik.

**KÜMŞÜLDEME** [kümşüllömö], *iş ady.* Kümşüldemek ýagdaýy.

**KÜMŞÜLDEMEK** [kümşüllömök], *işl.* Iýmiti alyn diş bilen iýmek, gäwüşemek, agzyňy müňküldedip iýmek. *Gelinligi bolsa sumkasyndan odur-budur çykaryp, kümşüldeýärdi* (T. Gurbanow).

**KÜMŞÜLDEMEKLIK** [kümşüllömöklük], *iş ady.* Kümşüldemek ýagdaýy.

**KÜMŞÜLDETMEK** [kümşüllötmök], *işl.* Alyn dişleriň bilen bir zat iýip, agzyňy kümşül-kümşül etdirmek.

**KÜMŞÜLDEÝIŞ** [kümşüllöýüş], *iş ady.* Kümşüldemek ýagdaýy.

**KÜMÜŞ,** *at. zergärç. s.* **1.** Çalymtyk ak reňkli gymmatbaha metal, himiki element. *Zelili Hatyjanyň on barmagy üçin ýasan on ýüzügini, bukaw, gupba, sümsüle ýaly kümüş şaýlaryny Seýdiden iberipdir* (N. Pomma). **2.** Gyza dakylýan at.

◊ **Som kümüş bolup durmak** köp sanly kümüş şaý-seplerini dakynmak. *Üsti-başy som kümüş bolup duran gelin dähedem-dessemläp ýöräp barýardy.*

**KÜMÜŞÇI** [kümüşşü], *at. zergärç. s.* Kümüşden şaý-sep ýasaýan ussa, kümüş ussasy, zergär. *Kümüşçi ussanyň ýüzüge oturdan gaşyna söýgi, guwanç bilen bakyşy ýaly, Nepes hem öz eden işine göwnüýetijilik bilen seretdi* (B. Seýtäkow).

**KÜMÜŞ-GYZYL** [kümüş-ğyzyl], *at.* Kümüşdir gyzylyň bilelikde ady. *Kümüş-gyzylyň könesi bolmaz, ata-enäniň– bahasy* (Nakyl).

**KÜMÜŞLEÇ** [kümüşlöç], *syp.* Kümüş reňkli, kümşe çalym edýän. *Kümüşleç öwşün atyp, gök salyp oturan düzlük.*

**KÜMÜŞLEME** [kümüşlömö], *iş ady.* Kümüşlemek ýagdaýy.

**KÜMÜŞLEMEK** [kümüşlömök], *işl.* Kümüş bilen bezemek, nagyşlamak. *Ol eýeriň gaşyny kümüşledi.*

**KÜMÜŞLEMEKLIK** [kümüşlömöklük], *iş ady.* Kümüşlemek ýagdaýy.

**KÜMÜŞLENMEK** [kümüşlönmök], *işl.* Kümüş bilen bezelmek. *Nas kädiniň daşy kümüşlenipdir.*

**KÜMÜŞLETMEK** [kümüşlötmök], *işl.* Kümüş böleklerini berkitdirip, çaýdyryp timarlatmak, bezemek. *Gyrma köwşüni kümüşledipdir.*

**KÜMÜŞSÖW**,*syp.* Kümüş öwüşginli. *Kümüşsöw reňk.*

**KÜNÇ,** *at.* **1**. *ser.* **Künjek 1**. *Gyrak-bujakda, tamyň künjünde, aşakdaky şyrlap akýan suw boýunda gelin-gyzlar-da köpeldi* (B. Kerbabaýew). **2**. *ser.* **Künjek 2**. *Dünýäniň dört künjün çekip oturmyş* (Magtymguly).

**KÜNDE** [künnö] **I**, *at.* Ýer sürülýän azalyň ýerdemir geýdirilýän bölegi, omaç. *Gadymdan galan kündäniň ýeri dörüşiniň hem mazasy ýok* (B. Kerbabaýew).

**KÜNDE** [künnö] **II**, *at, taryh.* Jenaýat edenleriň aýagyna salynýan agaç gandal. *Zynjyr, künde bilen saklarlar seni* (Magtymguly).

**KÜNDELEMEK** [künnölömök], *işl.* Tussagyň aýagyna künde salmak, künde bilen baglamak. *Ýa kündeläp, meni çaýa salar sen* (Magtymguly). *Takdyry-hudadyr çekmegim gerek, Aýagym kündeläp, baglasaň elim* (Talyby).

**KÜNDELENMEK** [künnölönmök], *işl.* Tussagyň aýagyna künde salynmak. *Onuň aýaklary kündelenipdir.*

**KÜNDELEŞMEK** [künnölöşmök], *işl.* Tussagyň aýagyna künde salyşmak, baglaşmak.

**KÜNDELETMEK** [künnölötmök], *işl.* Tussagyň aýagyna künde saldyrmak. *Onuň aýagyny kündeletdiler.*

**KÜNDÜK** [künnük], *at.* El-ýüz ýuwmak, çaý gaýnatmak we ş.m. üçin misden ýasalýan ýa-da çoýundan guýlan gulply, jüründikli suw guýulýan gap. *Üýşmek közüň gapdalyndaky gara kündügi özüne çeken Gulmyrat aga gürrüňi başga ýana sowdy* (R. Gelenow).

**KÜNJARA** [künja:ra], *at.* **1**.Künji, kenep we ş.m. däneleriniň ýagy alnandan soň galan galyndysy, gemresi. **2**. Pagta çigidiniň ýagy alnandan soň galan galyndysy, sarun.

**KÜNJEK** [künjök], *at.* **l.** Tamyň,otagyň, jaýyň bir burçy. **2.** Bir ýeriň, ýurduň merkezden uzak ýeri, burçy, çeti.

**KÜNJI** [künjü], *at.* **1.** Gür baldakly, ownuk däneli günorta ýurtlarda ösýän ösümlik. **2.** Şol ösümligiň ýag alynýan ownuk dänesi.

◊ **Künji ekmäge gitmek** aradan çykmak, ölmek, ýogalmak.

**KÜNJÜLIK** [künjülük], *at.* Künjiniň köp ekilen ýeri. *Künjülik meýdan.*

**KÜNJÜPAÝA** [künjüpa:ýa], *at.* Dänesi kakylyp alnan künjiniň çöpi.

**KÜNT: künt bolmak** saňsar bolmak, kelläň işlemeden galmak, aňyň kütelmek, aňkaň aşmak, akylyň çaşmak; halys bolmak. *Saňa aýdyp-aýdyp künt boldum.* **Künt etmek** aňyny küteltmek, aňkasyny aşyrmak; halys etmek. *Mydam ah çekersiň,*

*zehin künt eder, Gündizki hyýalyň gündiz düýş bolar* (Magtymguly).

**KÜŇRE** [küňrö], *at.* **1.** Howlynyň diwarynyň üstünden gurulýan diş-diş kiçijik sütünjikler. **2.** Howlynyň burçlarynda, derwezesiniň ýanynda gurulýan içi basgançakly, töwereginde atyşhana bolan diň. **3.** Köýnegiň ýakasyna, çaga tahýasyna salynýan diş-diş gaýma nagyş.

**KÜŇRÜLT,** *syp.* Solak, öçük; küljümek, tutuk. *Ol işige arkasyny daýap, küňrült agaran kepje sakgalyny ýogyn barmaklary bilen darap, bir salym syn edip oturdy* (B. Kerbabaýew).

**KÜPE** [küpö] **I,** *at.* Ýolagçylar otlusyndaky wagonlarda iki ýa-da dört orunlyk ýer.

**KÜPE** [küpö] **II,** *at.* **1.** Arka, ýagyrny; pilçäniň üsti, küpeç. **2.** *göç. m.* Bir zadyň üsti, ýokarsy, depesi.

◊ **Küpesine bermek (ýapmak)** arkasyna, ýagyrnysyna urmak.

**KÜPÜR: küpür geplemek** gep-sözde öte geçmek, uly geplemek, ýalňyş, nädogry, öte zatlar diýişdirmek. *Küpür geplemeg-ä gowy zat däldir welin, şol ýylky ýaly ýüz gyş gelse-de, indi zaýaçylyk, heläkçilik bolmaz* ("Edebiýat we sungat").

**KÜPÜRSEK** [küpürsök] **I,** *syp.* Küpürsäp gepleýän, batly, uly gürleýän, küpür gürleýän.

**KÜPÜRSEK** [küpürsök] **II,** *syp.* Gumak, ýumşak, küpürsäp ýatan (ýer hakynda). *Küpürsek ýol. Küpürsek ýer.*

**KÜPÜRSEME** [küpürsömö] **I, II,** *iş ady.* Küpürsemek ýagdaýy.

**KÜPÜRSEMEK** [küpürsömök] **I,** *işl.* Mes bolup ýa-da bir zada gahar edip, biriniň üstüne sürünmek, haýýarlyk edip gygyrmak, dogry-nädogry zatlar diýişdirmek.

**KÜPÜRSEMEK** [küpürsömök] **II,** *işl.* Gumak bolmak, ýumşak bolmak, içi boş ýaly bolmak (gumak ýer, ýol we ş.m. hakynda). *Küpürsäp duran dersiň üstüne çäge ýazdylar.*

**KÜPÜRSEMEKLIK** [küpürsömöklük] **I, II,** *iş ady.* Küpürsemek ýagdaýy.

**KÜPÜRSEŞMEK** [küpürsöşmök], *işl.* Birnäçe bolup batly, uly gürlemek. *Aýallar, gyz-gelinler toýa gelen ýaly bolup, ýerli-ýerden küpürseşip başladylar.*

**KÜPÜRSEÝIŞ** [küpürsöýüş] **I, II,** *iş ady.* Küpürsemek ýagdaýy.

**KÜR,** *üml.* Eşek, kürre kowlanda, ýörediljek bolnanda aýdylýar.

**KÜRE** [kürö], *at.* Kerpiç bişirilýän peç, kerpiç bişirmek üçin ýörite jaý.

**KÜREÇI** [küröçü], *at.* Kerpiç bişirilýän küräniň işçisi, kürede işleýän adam; küre gurýan ussa. *Ortanjy weziriňem asly kerpiç bişirýän küreçi bolsa gerek* (A. Salyh).

**KÜREK** [kürök], *at.* **1**. Kiçiräk motorsyz gaýyklary sürmek üçin boýy iki metrden uzynrak, ujy ýasy enjam. *Elimdäki küregim garşy suwuň ýüzünden taýyp gitdi* (A. Atajanow). **2**. Tutuş agaçdan ýonulyp harman atmak, gar we ş.m. artmak üçin pil görnüşli ýasy, uzyn saply gural. *Ol atylan harmanyň gyzylyny kürek bilen bir ýere toplady.* **3**. *gepl. d.* Degirmeniň un ahyryndan, çuwaldan we ş.m. un, bugdaý susup alynýan gysga saply susguç.

**KÜREKÇI** [kürökçü], *at.* Kürek bilen gaýyk sürýän, küregi işledýän adam.

**KÜREKLEME** [küröklömö], *iş ady.* Küreklemek ýagdaýy.

**KÜREKLEMEK** [küröklömök], *işl.* **1**. Kürek bilen gaýyk sürmek, gaýygy küregiň kömegi bilen ýöretmek. *Men yzymyza kürekläp ugradym* (T. Gurbanow). **2**. *gepl. d.* Kürek bilen artmak, toplamak. **3**. Kürek bilen uny, bugdaýy we ş.m. gapgarmak, guýmak.

**KÜREKLEMEKLIK** [küröklömöklük], *iş ady.* Küreklemek ýagdaýy.

**KÜREKLENMEK** [küröklönmök], *işl.* **1**. Kürek bilen gaýyk sürülmek. *Olar deňziň içindäki küreklenýän gaýyga meňzeýärdi* (A. Nazarow). **2**. Kürek bilen ardylmak, toplanmak. *Işikdäki gar küreklendi.*

**KÜREKLEŞMEK** [küröklöşmök], *işl.***1**. Küreklemäge (1-nji we 2-nji manylarynda) kömek etmek.*Ol ikinji küregi aldy-da, gaýykça küreklesip başlady.* **2**. Iki ýa birnäçe bolup küreklemek (1-nji we 2-nji manylarynda). *Ikisi iki ýerden gaýyklaryny küreklesip, bir salymdan ep-esli ýol geçdiler.*

**KÜREKLETMEK** [küröklötmök], *işl.* Küreklemek (1-nji we 2-nji manylarynda) işini başga birine etdirmek. *Gary kürekledip toplatmak. Ol gaýygy ýaş, gujurly oglana küreketdi-de, beýleki kenara ugrady.*

**KÜREKLEÝIŞ** [küröklöýüş], *iş ady.* Küreklemek ýagdaýy.

**KÜREKLI** [küröklü], *syp.* Kürek bilen sürülýän. *Kürekli gaýyk.*

**KÜREMEZ** [kürömöz], *at.* Goýun, geçi süýdi turşy çalyň, gatygyň üstüne guýlup ýasalýan içgi. *Çopanyň ýanlygynda sowuk küremez bardy.*

**KÜREN** [kürön], *syp.* **1**. Köp öýden ybarat, esli meýdany tutyp, hatar gurap outran, topar, topbak. *Namart çaşyr, küren ile baş bolsa, Aýbyn açar öz ilinden daş galsa* (Magtymguly). *Küren oba.* **2**. Dag ady. **3**. Oglana dakylýan at.

**KÜRK,** *at.* Towugyň ýumurtga guzlamasyny kesip, ýumurtga basyp ugraýan wagtyndaky ýagdaýy. *Gaz edinmek maksady bilen kürk bolan towuklaryň aşagyna gaz ýumurtgalaryny atdylar* (B. Öwezow).

◊ **Kürk bolmak** towugyň ýumurtga basmak wagty gelmek. *Kürk bolan towuk.* **Kürk towuk ýaly** haýal deprenýän, haýal hereket edýän (adam hakynda). *Emma aşagy ýumurtgaly kürk towuk ýaly galyp bilmän oýkandy* (B. Kerbabaýew).

**KÜRKÜLDEME** [kürküllömö], *iş ady.* Kürküldemek ýagdaýy.

**KÜRKÜLDEMEK** [kürküllömök], *işl.* Kürk-kürk etmek, kürk-kürk edip ses çykarmak. *Kürk towuk kürküldeýärdi.*

**KÜRKÜLDEŞMEK** [kürküllöşmök], *işl.* Birnäçe kürk bolan towuk kürk-kürk etmek. *Kürk towuklar kürküldeşýärdi.*

**KÜRKÜLDEÝIŞ** [kürküllöýüş], *iş ady.* Kürküldemek ýagdaýy.

**KÜRMEK** [kürmök], *at.* Şalynyň içinde gögerýän gara dänelije ösümlik we onuň dänesi, çigin, çetnik.

**KÜRRE** [kürrö], *at.* **1**. Müngä ýaramaýan, bir ýaşyň içindäki eşek çagasy. *Kürresi elinden gitse eşegiň, Telmirip dört ýana gözlär uşagyn* (Magtymguly). **2.** Oglana dakylýan at.

**KÜRRELEME** [kürrölömö], *iş ady.* Kürrelemek ýagdaýy.

**KÜRRELEMEK** [kürrölömök], *işl.* Kürresi bolmak. *Eşek kürreläpdir.*

**KÜRRELEÝIŞ** [kürrölöýüş], *iş ady.* Kürrelemek ýagdaýy.

**KÜRS,** *at, k. d.* Asmanyň sekizinji gaty.

**KÜRSEMEK** [kürsömök]: **kürsäp girmek (urmak)** bir ýere säginmän girmek, bir zatdan howatyr edip çalt girmek, haýal etmän sümülmek. *Ol säginmän diýen ýaly öz howlusynyň içine kürsäp girdi* (H. Ysmaýylow).

**KÜRSEŞMEK** [kürsöşmök], *işl* Birnäçe bolup säginmän, çalt sokulyşyp girmek. *Olar jaýa kürseşip girdiler.*

**KÜRSI** [kürsü], *at.* Iki gapdaly tirsek goýar ýaly, arkasy ýaplanar ýaly bir adamlyk ýumşak oturgyç.

**KÜRŞERILMEK** [kürşörülmök], *işl.* Nägile, närazy bolup, ýüz-gözüňi bürüşdirmek, sortdurmak.

**KÜRŞERIŞMEK** [kürşörüşmök], *işl.* Birnäçe bolup kürşermek. *Oturanlar kürşerişdiler.*

**KÜRŞERME** [kürşörmö], *iş ady.* Kürşermek ýagdaýy.

**KÜRŞERMEK** [kürşörmök], *işl.* Nägile, närazy halda ýüz-gözüň bürüşmek. *– Şomuka, şo dälmikä? – diýip, bir ýylgyryp, bir kürşerip, ýüregi gürs-gürs urýardy* (A. Durdyýew).

**KÜRŞERMEKLIK** [kürşörmöklük], *iş ady.* Kürşermek ýagdaýy.

**KÜRŞERTMEK** [kürşörtmök], *işl.* Ýüz-gözüňi çytmak, ýüzüňi turşatmak, sortdurmak, bürüşdirmek. *Ol ýüzüni-gözüni kürşerdip, temegini ýokary tutup jogap berdi* (G. Kulyýew).

**KÜRŞÜK,** *syp.* **1.** Ýüzi-gözi çytyk, gasynly, ýüzi-gözi bürşük. **2.** Oglana dakylýan at.

**KÜRT,** *at, ser.* **Kürtler.** *Kürt dili.*

**KÜRTDÜRIŞMEK** [kürtdürüşmök], *işl.* Birnäçe bolup kürtdürip durmak. *Olar bu elhenç sesi eşidip, birden kürtdürişip durdular.*

**KÜRTDÜRMEK** [kürtdürmök], *işl.* Bir zatdan heder edip, birden aýak çekmek, üýşenip ýa-da seresaplyk edip saklanmak; näme etjegini bilmän oýurganmak, ýaýdanmak, çekinip durmak.

**KÜRTE** [kürtö], *at.* **1.** Ýerligi gyzyl ýa-da ýaşyl keteniden bolup, ýakasyna, etegine, ýeňiniň agzyna keşdelenip nagyş salnyp bejerilen ýeňli başatgyç. **2.** Goltugynyň aşagy etege çenli dilik, bagjyk bilen daňylýan nagyşly çaga geýimi.

◊ **Gyzyl kürte** ýerligi gyzyl keteniden bolup, çykýan gyzyň başyna atmak üçin bejerilen kürte. **Ýaşyl kürte** ýerligi ýaşyl keteniden bolup, gelinler tarapyndan toýlarda başa atylýan ýa-da kähalatda geýilýän kürte.

**KÜRTEKÇE** [kürtökçö], *at.* Daşky geýimiň içinden geýilýän, ýeňsiz geýim, golsuzja. *Onuň kürtekçesini egnine geýdirdim.*

**KÜRTGÜN,** *at, dokm.* Käbir halynyň älemine salynýan "saryganat" nagşyň içine çitilýän küşt tagtasy görnüşindäki ownuk nagyş.

**KÜRTI** [kürtü]: **kürti goýun** uzyn, salpy guýruk gara goýnuň bir tohumy.

**KÜRTLER** [kürtlör], *at.* Alynky Aziýada, Azerbaýjanda, Ermenistanda we Türkmenistanda ýaşaýan halk.

**KÜRTÜK,** *at.* Eti gaýnadylyp bişirilenden soň, çorbasyna atylan jöwen belkesi çykarylyp, üstüne gaýnan et böleklenip goýlup, çorbasy aýratyn içilýän nahar. *Akmaýa aşagy belkeli, üsti üwmek etli kürtük alyp geldi* (B. Kerbabaýew).

**KÜRÜM,** *at.* **1.** Atýalmanyň, alakanyň we ş.m. içinden gum çykaran ýerasty hini. *Edil şol ýerde atyň sag aýagy syçanyň kürümine gitdi* (B. Seýtäkow).

**KÜRÜMGURADAN** [kürümğu:rodon], *at.* Meýdanda, ekin arasynda ýaşaýan küljümek reňkli ullakan syçan. *Bir kürümguradan öten agşam onuň düýşüne girdi.*

**KÜRÜŞGE** [kürüşğö], *at.* Suw guýmak, suw içmek üçin ulanylýan bulgur şekilli gulply gap. *Bir kürüşge suw içenden soň, ol özüne geldi* (T.Gurbanow).

**KÜRÜŞGELEME** [kürüşgölömö], *iş ady.* Kürüşgelemek ýagdaýy.

**KÜRÜŞGELEMEK** [kürüşğölömök], *işl.* Kürüşge bilen guýmak, dökmek, ölçemek. *Soňra bolsa ol şitiliň düýbüne kürüşgeläp suw guýmaga durdy* (N. Esenmyradow).

**KÜRÜŞGELEMEKLIK** [kürüşgölömöklük], *iş ady.* Kürüşgelemek ýagdaýy.

**KÜRÜŞGELEÝIŞ** [kürüşgölöýüş], *iş ady.* Kürüşgelemek ýagdaýy.

**KÜŞ,** *üml.* Käbir haýwanlar ýa-da guşlar kowlanda ulanylýar.

**KÜŞAT** [küşa:t], *syp., k.d.* Ugruna, şowuna, şowly. *Şu müşgil işlerim, gel, küşat eýle, Senden galsyn bu, bir ýagşy at eýle* (Şabende). *Agamyzyň söwdasy küşatmyka?*

**KÜŞGÜRILMEK** [küşğürülmök], *işl* **1.** It öjükdirilip, biriniň üstüne sürülmek. *Garly öz yzyndan ýarak itiň küşgürilenini aňdy* (A. Gowşudow). **2.** *göç. m.* Meçew berlip öjükdirilmek.

**KÜŞGÜRME** [küşğürmö], *iş ady.* Küşgürmek ýagdaýy.

**KÜŞGÜRMEK** [küşğürmök], *işl.* **1.** Ýardyrmak, dalatmak üçin iti öjükdirip, biriniň üstüne sürmek. *Duran-duran ýerimizden itleri küşgürip ylgaýarys* (B. Annageldiýew). **2.** *göç. m.* Öjükdirmek, meçew bermek. *Hally mirabyň küşgürip goýberen adamlarynyň edip giden çykgynsyz işi günübirin oba jar boldy* (B. Kerbabaýew).

**KÜŞGÜRMEKLIK** [küşğürmöklük], *iş ady.* Küşgürmek ýagdaýy.

**KÜŞGÜRMEZLIK** [küşğürmözlük], *iş ady.* Iti öjükdirip, biriniň üstüne sürmezlik.

**KÜŞT I,** *at.* **1.** Ini-boýy deň, jemi 64 öýjükli tagtada 32 mal (ak we gara) bilen oýnalýan oýun. *Olar dünýäden bihabar bolup, küşt oýnaýardylar.* **2.** Şol oýun üçin gerek bolan ýörite tagta we mallar. **3.** Küşt oýnunda: bir mal ýa-da pyýada bilen şanyň üstüne hüjüm edilende aýdylýan söz. *Sen çykarmajak bol, menem çykarjak bolaýyn. Özüňem tur küştden!* (N. Pomma).

◊ **Küşdüň çatmak** (**çatmazlyk** ) bir zady ýerine ýetirmek, başarmak üçin gurbuň, güýjüň ýetmek (ýetmezlik). *Men küşdüm çatmajak bolsa, ederin, ýerine ýetirerin diýip aýtmazdym.* **Küşdüň pyýadasy ýaly bolmak** durmuşda tutýan orny pes we müçesi kiçi bolmak (adam hakynda aýdylýar). *Küşdüň pyýadasy ýaly bolup, sendenem dynmadyk.* **Küşti berilmek** biri işinden, wezipesinden kowulmak, eýeleýän ornundan pyzylmak. *Küşti berlende bolsa, elpe-şelpeli güni sypdyrasy gelmän, elinden gelen pyrryldaga ýüz urýar* ("Edebiýat we sungat"). **Tur küştden** küşdüň şasyna edilen hüjümden "sowul, aýryl" diýen manyda aýdylýan aňlatma.

**KÜŞT II: küşt depmek** küştdepdi oýnuny, tansyny ýerine ýetirmek.

**KÜŞTÇI** [küştçü], *at.* Küşt oýnaýan, küşt oýnamaga ökde (adam hakynda).

**KÜŞTÇÜLIK** [küştçülük], *at.* Küşt oýnuna ökdelik; küşt oýnuna gyzyklanmaklyk, küşt oýnuny söýüjilik. *Onuň küştçüligini diýip-aýdar ýaly däldir.*

**KÜŞTDEPDI,** *at.* **1.** Toýlarda, dört setir goşgy aýdylyp, oglan-gyzlaryň bilelikde ýerine ýetirýän aýdyşykly tansy. **2.** *edeb.* Halk döredijiliginiň bir görnüşi.

**KÜŞÜL,***syp.* Könelip sandan galan. *Küşül eşikli.*

**KÜT,** *at.* Üýşürilip goýlan bölek, küde. *Sanly salym içinde, "Ak altyny" küt edýär* (B. Kerbabaýew).

**KÜTEK** [kütök], *syp.* **1.** Ýüzi gaýdyp kütelen, ýiti, kesgir däl, ötmezek (pyçak, päki, gylyç we ş.m. ýarag, gural hakynda). *Kütek gyrkylyk. Kütek orak.* **2.** *göç.m.* Akyl-paýhas taýdan çäkli, gözýetimi dar, zehini ýiti däl, körzehin. *Şunuň zehininiň kütekdigini-ýitidigini, akyllydygyny-akmakdygyny bileýin* ("Görogly"). **3.***göç.m.* Nury öçen, görgürligi kemelen, gowy görmeýän. *Kütek göz.*

**KÜTEKLIK** [kütöklük], *at.* **1.** Kesgir dällik, ötmezeklik, ýiti dällik. *Oragyň kütekligi onuň tut kesmek işini uzaga çekdirdi.* **2.** *göç.m.* Paýhas-pähimi çäklilik, düşünjesi darlyk, körzehinlik, zehinsizlik. *Durmuş kämil dälmi? / Ýa-da adamlar?! Ýygnaklarda orta atylsa teklip, Ähli ýitilikleň örküne / agzy Synan palta bolup urýar küteklik* (G. Ezizow). **3.** *göç. m.* Nury öçüklik, kütelen ýagdaýda bolmaklyk (göz hakynda). *Onuň gözüniň kütekligi inçe iş etmäge mümkinçilik bermeýärdi.*

**KÜTELIŞ** [kütölüş], *iş ady.* Kütelmek ýagdaýy.

**KÜTELIŞMEK** [kütölüşmök], *işl.* **1.** Kem-kemden kütek bolmak, gylawy gitmek, dura-bara kütelmek, ýüzi galňaşmak (pyçak, gural hakynda). *Pyçak küteleşipdir.* **2.** *göç. m.* Dura-bara, kem-kemden körzehin bolmak, akyl-paýhas kemelişmek. *– Aý, gartaşyberseň, ýatkeşligiňem küteleşiberýär – diýip güldi* (Ş. Borjakow). **3.** *göç. m.* Şöhlesi gaçyşmak, nury öçüşmek. *Ol kütelişip ugran gözleri bilen seretdi.*

**KÜTELME** [kütölmö], *iş ady.* Kütelmek ýagdaýy.

**KÜTELMEK** [kütölmök], *işl.* **1.** Kütek bolmak, gylawy gitmek, ýitiligi kemelmek (pyçak, gural hakynda). *Ol kütelen pyçagy çalgydaşa çaldy.* **2.** *göç.m.* Zehini könelmek, akyl-paýhasy gideňkirlemek, ýatkeşligi kemelmek. *Indi onuňam ýatkeşliginiň küteleni bildirýär.* **3.** *göç.m.* Görşi kemelmek, görejiň güýji gaçmak, gözüň nury öçmek.

**KÜTELMEZLIK** [kütölmözlük], *iş ady.* Kütelmek derejesine ýetmezlik.

**KÜTELTMEK** [kütöltmök], *işl.* **1.** Kütek etmek, gylawyny gaçyrmak. *Ertiri ertire sepläp, galamymyň ujuny küteldýän wagtlarym az däl* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *göç. m.* Zehinini kemeltmek, akyl-paýhasyny peseltmek. *Onuň niýeti hüşgärligi küteltmekden ybaratdyr.* **3.***göç.m.* Görüş ukybyny ýitirmek, gözüň nuruny öçürmek. *Köp okap,* gözüni küteldipdir.

**KÜT-KÜT,***syp.* 1. Köp sanly küt, küde. *Obanyň deňine baranyňda küt-küt bedelere, ýandaklara gözüň düşýär.***2.** Gaty köp, örän köp, petde-petde. *Hökümet-de sylar kän hasyl berseň, Küt-küt bolar şonda puly daýhanyň* (A. Köpekmergen).

**KÜTI** [kütü], *syp.* Galyň, ýuka bolmadyk. *Indi dikan gaýralarynda howalanyşyp oturan göm-gök daglaryň öňüni küti bulut büräpdi* (A. Gurbanow).

**KÜTI-KÜTI** [kütü-kütü], *syp.* Biri beýlekisinden küti, galyň-galyň (köp zat hakynda).*Elinde küti-küti kitaplary bar* (B. Pürliýew).

**KÜTÜLEŞMEK** [kütülöşmök], *işl.* Barha küti bolmak, galňap başlamak.

**KÜTÜLIK** [kütülük], *at.* Galyňlyk, ýuka dällik; gabalyk. *Kitabyň kütüligi. Dodagyň kütüligi.*

**KÜÝ,** *at.* Hyýal; oý-pikir. *Tamdyra küýüni beren ejem meniň hereketimi görmedik bolara çemeli* (H. Garabaýew).

◊ **Küýüňi bermek** ýüregiňe düwmek, niýet edinmek. *Küýüňi berseň, sen derrew iňlis dilini öwrenersiň.* **Küýüňi dikmek** *ser.* **Küýüňi bermek**. *Görýän weli, balam, sen oňa küýüňi dikipsiň* (B. Kerbabaýew).

**KÜÝDEŞ** [küýdöş], *syp.* Pikirdeş, oýy-hyýaly meňzeş.

**KÜÝKERILMEK** [küýkörülmök], *işl.* Biliňi bükmek, gaty egilmek. *Beýdip küýkerilip durma.*

**KÜÝKERIŞMEK** [küýkörüşmök], *işl.* **1.** Kem-kemden küýkermek. dura-bara bili büküleşmek. *Onuň bili birneme küýkerişipdir.* **2.** Bilelikde küýkerip barmak. *Elleri hasaly garryja aýallar ýoda bilen küýkerişip barýardylar.*

**KÜÝKERME** [küýkörmö], *iş ady.* Küýkermek ýagdaýy.

**KÜÝKERMEK** [küýkörmök], *işl.* Biliň bükülmek, küýki halda bolmak. *Küýkeren ýagyrnysyny tüňňerdip, bäş keleme söz aýdar* ("Görogly").

**KÜÝKERMEKLIK** [küýkörmöklük], *iş ady.* Küýkermek ýagdaýy.

**KÜÝKERTMEK** [küýkörtmök], *işl.* Biliňi, ýagyrnyňy, arkaňy tüňňertmek. *Ol bilini küýkerdip barýardy.*

**KÜÝKI** [küýkü], *syp.* Bili bükük, ýagyrnysy tüňňeren, arkasy tüňňi. *Kim küýkini söýer, kim gaýkyny* (Nakyl).

**KÜÝ-KÖÇE** [küý-köçö], *at.* Oý-pikir, hyýal; niýet. *Onuň küý-köçesi okuwdy.*

**KÜÝKÜLIK** [küýkülük], *at.* Küýkiniň ýagdaýy, küýki bolmaklyk. *Ony küýkülik köseýärdi.*

**KÜÝLENDIRMEK** [küýlönnürmök], *işl.* Oý-pikire batyrmak, hyýala mündürmek. *Dowlanyň soňky sözleri Ahmedi çyndan küýlendirdi* (G. Kulyýew).

**KÜÝLENIŞ** [küýlönüş], *iş ady.* Küýlenmek ýagdaýy.

**KÜÝLENIŞMEK** [küýlönüşmök], *işl.* Oý-pikire, hyýala batyşyp oturmak. *Ýeri, siz niräk ugrasak diýip küýlenişip dursuňyz?*

**KÜÝLENME** [küýlönmö], *iş ady.* Küýlenmek ýagdaýy.

**KÜÝLENMEK** [küýlönmök], *işl.* Bir zady, çäräni amala aşyrmagy hyýal etmek, bir zat barada oýlanmak, hyýallanmak. *Diňe ol şonda bir gobsunyp, nirädir gitmäge küýlendi* (B. Kerbabaýew).

**KÜÝLENMEKLIK** [küýlönmöklük], *iş ady.* Küýlenmek ýagdaýy.

**KÜÝLI** [küýlü], *syp.* Küýüne gelsine, özüniň pikir edip bilşine görä hereket edýän (birde eýleligine, birde beýleligine üýtgäp duran adam hakynda). *Sözlän sözüň bolsun bir aýly-saýly, Ile-de seretgin, bolmagyn küýli* (Baýly şahyr). *Ol bir küýli adamdyr, bolýan zadam boldurman biler, bolmaýan zadam seniň peýdaňa çözüp biler.*

**KÜÝLÜLIK** [küýlülük], *at.* Küýli ýagdaýda bolmaklyk. *Aý, onuň şol küýlüligi bar bolsun!*

**KÜÝ-PIKIR,** *at.* Pikir-hyýal, edilýän oý-pikir. *Onuň küýi-pikiri küştdedi* (A. Gowşudow).

**KÜÝSEG** [küýsöğ], *at.* Küýsemek, göresiň gelmek islegi.

**KÜÝSEME** [küýsömö], *iş ady.* Küýsemek ýagdaýy.

**KÜÝSEMEK** [küýsömök], *işl.* Birini göresiň gelmek, bir zady göwnüň islemek.

**KÜÝSETMEK** [küýsötmök], *işl.* Birini ýa bir zady arzuw etdirmek, isletmek. *Heý-de, bu ýeriniň hoştap howasy maňa özge ýeri küýseder öýdýärmiň?*

**KÜÝSEÝIŞ** [küýsöýüş], *iş ady.* Küýsemek ýagdaýy.

**KÜÝZE** [küýzö], *at.* *T*oýun palçykdan ýasalyp bişirilýän, içi syrçaly ýa-da syrçasyz, gulply, bokurdakly gap.

◊ **Küýze ýykylan ýaly** lykyr-lykyr edip, üznüksiz gülýän adam barada ulanylýan meňzetme. *Bir gülüp başlasa, edil küýze ýykylan ýalydy.* **Suw küýzä ýel düşen ýaly** başlan gürrüňini gutarar ýerde gutarmaýan adam hakynda ulanylýan meňzetme.

**KÜÝZEGÄR** [küýzöğä:r], *at.* Küýze ýasap bişirýän, küýze ýasaýan adam, küýze ussasy, külal.

**KÜÝZEGÄRÇILIK** [küýzöğä:rçilik], *at, ser.* **Küýzegärlik.**

**KÜÝZEGÄRLIK** [küýzöğä:rlik], *at.* **1**. Küýze ussasynyň hünäri, käri. **2**. Küýze ýasamak senedi. *Ýogsa-da, küýzegärlik sungaty türkmenlerde gaty irki sungatlaryň biri* ("Edebiýat we sungat").

**KÜÝZEJIK** [küýzöjük], *at.* **1.** Kiçijik küýze. **2.** Içine sähelçe ders, topur atylyp, şitil ýetişdirilýän gap.

**KYBAP** [kyva:p], *at.* Birine, bir zada laýyk, bap.

**KYBAPDAŞ** [kyva:pdaş], *syp.* Biri-birine meňzeş, çalymdaş, bap, laýyk. *Gözüne ilişen sähelçe hereketi onuň hereketine kybapdaş getirmäge çalyşýardy* (B. Seýtäkow).

**KYBAPDAŞLYK** [kyva:pdaşlyk], *at.* Meňzeşlik, biri-birine çalymdaşlyk, bapdaşlyk, laýyklyk. *Göýä diýersiň göwündeşleriň göwnüne kybapdaşlyk isleýän ýaly, häliden bulaşýan jahan ýene ýagtylyp başlady* (B. Kerbabaýew).

**KYBLA** [kyvla], *at, geogr.* **1.** Günorta-günbatar tarap. *Baryp kybla derwezesinden girdi* ("Görogly"). **2.** Yslam dinine uýýanlaryň namaz okaýan wagty ýüzüni öwrüp durýan tarapy, Käbäniň ýerleşýän ugry.

◊ **Kyblaýy älem** "merhemetli, adalatly" manysynda patyşalara, ulamalara ýüzlenilip aýdylýan söz.

**KYBLAGÄH** [kyvlağä:h], *at, k.d.* Iň bir gadyrly adama, ataňa-eneňe ýüzlenilip aýdylýan söz. *Eý, kyblagähim, men bu welaýatda galmaly boldum* ("Zöhre – Tahyr"). *Mürewwetli kyblagähim, Ýüz tutdum diwana garşy* (Şabende).

**KYBLANAMA** [kyvlana:ma], *at.* Içindaki magnitli dili kybla tarapy görkezýän enjam **.**

**KYLMA,** *iş ady, kön. s.* Kylmak ýagdaýy.

**KYLMAK,** *işl., kön.s.* Etmek, eýlemek. *Gargyşym daşlarny mum deý erider, Pür-pudak ýaýradar alkyş kylanym* (Magtymguly).

**KYLMAKLYK,** *iş ady, kön. s.* Kylmak ýagdaýy.

**KYLU-KAL** [kylu:-ka:l], *at, kön.s.* Bir zatda döreýän kynçylyk, agyr ýagdaý, çykgynsyz ahwal, galmagal, goh. *Her kişiniň iki bolsa aýaly, Gije-gündiz işi kylu-kal bolar* (Magtymguly). *Pelek saldy meni tükenmez hala, Dünýäde ugradym ýüz kylu-kala* (Zelili).

**KYLYŞ**, *iş ady, kön. s.* Kylmak ýagdaýy.

**KYN** [ky:n], *syp.* **1.** Aňsatlyk bilen ýerine ýetirip bolmaýan, köp güýç, zähmet talap edýän; kynçylykly. *Kyn iş.* **2.** Aňsatlyk bilen çözüp, ýüze çykaryp bolmaýan, köp bilim, düşünje talap edýän. *Kyn sowal. Çözmesi kyn mesele.* **3.** Agyr, müşgil. *Kyn ýagdaý. Ol maňa kyn günlerimde kömek etdi.*

**KYNALMA** [ky:nalma], *iş ady.* Kynalmak ýagdaýy.

**KYNALMAK** [ky :nalmak], *işl.* Gitdigiçe kyn bolmak. *Ylym, bilim ösdügiçe, şol ugurlarda işlemegem kynalýar.*

**KYNALTMAK** [ky:naltmak], *işl.* Haýsydyr bir zady etmegi, amala aşyrmagy kynlaşdyrmak, agyrlaşdyrmak. *Güýçli ýel bilen ýagýan gar dar dag geçelgelerinden geçmegi has-da kynaltdy.*

**KYNALYŞMAK** [ky:nalyşmak], *işl.* Dura-bara kyn bolmak, agyrlaşmak, çylşyrymlaşmak.

**KYNÇYLYK** [ky:nçylyk], *at.* Bir işi ýerine ýetirmekde çekilýän azap, görgi, kynlyk.

**KYNÇYLYKLY** [ky:nçylykly], *syp.* Kynçylygy bolan, agyr, azaply. *Kynçylykly günler yzda galdy.*

**KYNLAŞDYRMAK** [ky:nlaşdyrmak], *işl.* Bir işi, gymyldy-hereketi ýerine ýetirmegi agyrlaşdyrmak, çetinleşdirmek, çylşyrymlaşdyrmak. *Derýanyň üstünden öwüsýän sowuk şemal dem almagy kynlaşdyrýardy* (B. Seýtäkow).

**KYNLAŞMAK** [ky:nlaşmak], *işl.* Bir işi ýerine ýetirmek işi agyrlaşmak, kyn bolmak.

**KYNLYK** [ky:nlyk], *at.* Bir işi ýerine ýetirmekde, bir zatdan baş çykarmakda ýüze çykýan çetinlik, çylşyrymlylyk, agyrlyk.

◊ **Kynlyk bilen** zordan; zoraýakdan, göwnemän. *Ol kynlyk bilen haýyşymy bitirmegi boýun aldy.*

**KYNRAK** [kynyra:k], syp. Bolmalysyndan azda-kände kyn. *Güýzde däne ekilmedik ýer juda bir köpem däldi. Esasan, täze açylan ak ýerlerdi*, kiçeňräk hemem suw çykmasy kynrak par pellerdi** (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy, 99 s.).

**KYRK** [kyryk], *san.* 40 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany, mukdary. *Gulzumy gyr sanyp, kyrk ýol geçer men, Eger ki meýl etse, ýar bizim sary* (Magtymguly).

**KYRKAÝAK,** *at.* Köpaýaklylar maşgalasyna degişli, süýrüje bedenli, köp aýakly, sary reňkli möjejik.

**KYRKBOGUN** [kyrykboğun], *at.* Baldagy inçe, köp bogunly, gyzgylt, ýere ýazylyp ösýän haşal ot. *Suwkyrkbogunlary güllän wagtynda çemenligi emele getirýärler.*

**KYRKÇILLE** [kyrykçille], *at.* **1.** Gyşyň örküji, gyş paslynyň iň sowuk, garly günleri (takmynan 25-nji dekabrdan 5-nji fewrala çenli). *Gaýmalap ýagmasa kyrkçille gary, Diýerler: baharyň mazasy bolmaz* (A. Kekilow). **2.** Tarada dokalýan keteni, göwderi ýaly matalaryň inini we hilini kesgitlemekde ulanylýan söz. *Kyrkçille bilen dokalan örän syk matadan tikilen köýnek.*

**KYRKGARYN** [kyrykgaryn], *at.* Gat-gat gasynly, tokgaja kiçi garyn. *Goýnuň kyrkgarny.*

**KYRKGÜNLÜK** [kyrykgünlük], *at.* Gawunyň iň ir bişýän sary togalak görnüşi; dilim-dilim görnüşli, ysly, kiçijik gawun.

◊ **Kyrkgünlük jöwen** kyrk günüň dowamynda bişýän, egribaş jöweniň bir görnüşi. **Kyrkgünlük erik** erigiň ir bişýän görnüşi.

**KYRK-KYRK** [kyryk-kyryk], *at.* Suwda gark bolýan adamyň sesini, dem alşyny aňladýan söz. *Ol suwa özüni urandan, kyrk-kyrky sanap başlady.*

**KYRKLYK** [kyryklyk],*at.* **1**. 40 sany, mukdary görkezýän at. **2.** Käbir zatlaryň ölçegini, belgisini aňladýan söz. *Kyrklyk sapak.*

**KYRKY,** *at.* Aradan çykan adamy ýatlap, onuň ýakyn hossarlarynyň degsin edýän kyrkynjy güni.

**KYRKYNJY,** *san.* 40 sanyndan ýasalan tertip san. *Kyrkynjy jaý. Kyrkynjy sahypa.*

**KYSMAT,** *at.* Ýazgyt, täleý, takdyr, ykbal. *Nädeýin, kysmatym ýaman, Bu gamlardan gutar meni* ("Görogly").

**KYSSA,** *at.* **1.** *edeb.* Şygyr bilen däl-de, gürrüň görnüşinde ýazylýan eser. **2.** Dessanyň gürrüň görnüşli bölegi. **3.** *gepl. d.* Gündelik durmuş ýa-da geçmiş barada söhbet, gürrüň; hekaýat, rowaýat. *Gelýär gadymdan bäri, ine, şeýle bir kyssa: Şa öňüne bilbili getirýärler kapasda* (M. Seýidow).

**KYSSAÇY,** *at.* **1.** Kyssa bilen eser ýazýan ýazyjy. **2.** *gepl.d.* Gürrüňçi, söhbetçi.

**KYSYM,** *at.* **1.** Aýratynlygy, umumylygy tarapdan bir meňzeş bolan topar, bölek. **2.** Belli bir görnüş. *Muham aga dürli kysymdaky traktorlary, gurallary mähirlilik bilen synlady* (B. Öwezow).

**KYSYMLY,** *syp.* Belli bir kysymda, görnüşde bolan, kysymdaş.

**KYÝAMAT** [kyýa:mat], *at.* Ahyrzaman, dünýäniň soňy; ahyret, o dünýä. *Magtymguly aýdar, geler şu işler, Kyýamat gün gullar görse gerekdir* (Magtymguly).

◊ **Kyýamat ahyr bolmak** kyýamat güni gelmek, ahyrzaman bolmak. **Kyýamat güni goňşudan** "başyňa agyr iş düşende goňşyň ýagşylyk edip biler" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**KYÝAMATLYK** [kyýa:matlyk], *at.* Ebedilik, müdimilik, kyýamata çenli. *Aglamagyn kyýamatlyk perzendim, Gözýaşyň döküşiň aldy janymy* ("Görogly").

◊ **Kyýamatlyk dogan okaşmak** özüň ýaly biri bilen ömürlik dogan, gardaş bolup ýaşamaklyga ant içmek.

# L

**L**, Türkmen elipbiýiniň on dördünji harpy.

**LA** [la:], Käbir atlaryň öňünden gelip, -*syz*, -*siz* goşulmasynyň manysyny aňladýar. *Barçanyň perwerdigäri patyşahy la-mekan* (Şeýdaýy).

**LABYR** [la:vyr], *at*. **1**. Deňizde, derýada gämini, gaýygy bir ýerde saklamak üçin suwuň düýbüne taşlanýan zynjyrly, gaňyrçakly agyr demir. **2**. *göç.m.*Agram, agyrlyk, agyr ýük. *Nädip göterýärkän ol, Gerdenne ýüklenen munça labyry?* (I. Nuryýew). **3**. Tahýa salynýan labyr görnüşindäki nagyş.

◊ **Labyryňy atmak** biriniň üstüne öz garamatyňy atmak.

**LABYRDAMA** [lavyrdama], *iş ady.* Labyrdamak ýagdaýy.

**LABYRDAMAK** [lavyrdamak], *işl.* Labyrdyly ýanmak.

**LABYRDAMAKLYK** [lavyrdamaklyk], *iş ady.* Labyrdamak ýagdaýy.

**LABYRDAMAZLYK** [lavyrdamazlyk], *iş ady.* Labyrdap ýanmazlyk.

**LABYRDAŞMAK** [lavyrdaşmak], *işl.* Labyrdyly ýanmak (ýanýan köp zat hakda). *Tamdyrdan lowlaýan tüsseli ýalyn, gapylarda hatara ýanýan ojaklar, şol şapak bilen bäsleşýän ýaly labyrdaşýardylar* (B. Kerbabaýew).

**LABYRDATMAK** [lavyrdatmak], *işl.* Labyrdyly, ýalynly ýakmak. *Ýandagy labyrdadyp ýakmak.*

**LABYRDAÝYŞ** [lavyrdaýyş], *iş ady.* Labyrdamak ýagdaýy.

**LABYRDEPEN** [la:vyrdepen], at. Gaýyk suwuň gyrasyna ýetende, ýere çiş çümdürip, gaýygy saklaýan adam.

**LABYRDY** [lavyrdy], *at*. Ot kemsiz tutaşyp, ýalynly ýananda emele gelýän sesiň ady. *Ýalaňy odunyň labyrdysy.*

**LABYR-LABYR** [lavyr-lavyr], *s. ş. aňl. söz.* Kemsiz tutaşyp, ýalynly ýanýan oduň sesi.

◊ **Labyr-labyr etmek** *ser.* **Labyrdamak.**

**LABYZ** [lavyz], *at*. **1**. Ýakymly, mylaýym äheňde çykýan ses, owaz. *Meniň oglum hem dutary edil seniň ýaly şirin labyzda çalýardy, ol hem sen duşly oglandy* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Sözüň aýdylyş äheňi. *Labzy şeker, hoş güftarly amanmy?* (Zelili).

◊ **Labzy ajamak** biri bilen hyrsyz, ýakymsyz sözleşmek. *Nämedendigini-hä bilemok weli, soňky döwürde seniň labzyň-a ajapdyr.*

**LABYZLY** [lavyzly], *syp*. Ýakymly owaz bilen, labyz bilen. *Onuň dutaryny Şükür bagşy ýaly gümmürdedip, labyzly çaldy* (N. Pomma).

◊ **Labyzly okamak** sözleri aňladýan manylaryna laýyk gelýän äheň bilen çeper okamak.

**LABYZLYLYK** [lavyzlylyk], *at*. **1**. Labzy barlyk, labyzly bolmaklyk. *Sazyň labyzlylygy.* **2**. Sözleşmäge, gepleşmäge mylakatlylyk, ýakymlylyk, mylaýymlyk.

**LABYZSYZ** [lavyssyz], *syp*. **1**. Labzy ýok, owazy ýakymsyz, gulaga ýakmaýan. *Labyzsyz aýdylan aýdym. Goşgyny labyzsyz okamak.* **2**. *göç. m.* Hyrsyz, ýakymsyz, mähir-mylakatsyz, labzy ajy. *Pahyr labyzsyz adam eken.*

**LABYZSYZLYK** [lavyssyzlyk], *at*. Labyzsyz bolmaklyk, labzy ýokluk, labyzly dällik.

**LAÇYN** [la:çyn], *at*. **1**. Ýeňsesi gögümtil ýa-da çalymtyl-gök, arkasy çalymtyl-goňur, aw awlamak üçin ýörite eldekileşdirilýän algyr guş. *Garry güýçden galar, ýigitler huşdan, Saýýat awdan galar, laçynlar guşdan* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

**LAGAR** [lağar], *syp*. Arryk, hor.

◊ **Lagar düşmek** garrap, sandan galmak, hor düşmek, lagşamak. *Lagar düşdüm, awum alyp bilmeýän* (A. Salyh). *Garraýaňmy, ýaman lagar düşüpsiň?* (G. Ezizow).

**LAGYL** [lağyl], *at*. Gyzyl reňkli gymmatbaha daş. *Deken käni, Jahangiriň almazy, Badahşan magdany – lagly siziňdir* (Magtymguly).

◊ **Lagly-leb** gyp-gyzyl dodak. *Eý lagly-lebi göwher* (Magtymguly).

**LAGNAT** [lağnat], *at, k.d.* Nälet, gargyş. *Ýow güni gaýrata gatlan, Lagnat goýma riş üstünde* (Magtymguly).

**LAGNATKERDE** [lağnatkerde], *syp*., *k.d.* Nälet edilen, gargyş siňen, näletlenen, näletkerde. *Ýagşy oguldan rahmet arygy akar, Lagnatkerde ogul boldy, bolmady* (Magtymguly).

**LAGNATLAMAK** [lağnatlamak], *işl., k.d.* Nälet etmek, gargyş etmek, näletlemek. *Oglum, seniň kakaň pahyr jan berende, şolaryň neslini lagnatlap gitdi* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew).

**LAGNATLANMAK** [lağnatlamak], *işl.* Lagnat edilmek, näletlenmek.

**LAGNATY** [lağnaty], *syp., k. d.* Näletlenen, gargalan, gargyş alan, nälet siňen. *Magtymguly, ýigit dogsa lagnaty, Möhümiň bitirmez, goýar minneti* (Magtymguly). *Lagnaty perzendiň ýokdur paýany, Birniçe örteýip, gynaýdyr jany* (Zynhary).

**LAGŞAMA** [lağşama], *iş ady.* Lagşamak ýagdaýy.

**LAGŞAMAK** [lağşamak], *işl.* **1**. *gepl.d*., *ser.* **Çagşamak**. **2**.*göç.m.* Garrap sandan galmak, güýjüň, gujur-gaýratyň gaçmak, süňňüň gowşamak. *Ýaşynyň könelişmegine, göwresiniň lagşamagyna garaman, ýigitlik kuwwaty bilen ylgady* (B. Kerbabaýew).

**LAGŞARMAK** [lağşarmak], *işl., ser.* **Lagşamak.**

**LAGŞAŞMAK** [lağşaşmak], *işl.* Garrylyk sebäpli sandan galyp ugramak, gujur-gaýraty gaçmak, süňňi gowşamak. *Onuň lagşaşan süňkleri şakyrdap gitdi* (G. Kulyýew).

**LAGŞAÝYŞ** [lağşaýyş], *iş ady.* Lagşamak ýagdaýy.

**LAGTA** [lağta], *at*. Tokga tutan, lokga-lokga bolan, goýalyp gatan (gan hakynda). *Gan lagtasy.*

**LAGTA-LAGTA** [lağta-lağta], *at*. Köp tokga tutan, lokga baglan, lokga-lokga bolan, lakga-lakga

(gan hakynda). *Men senden başga baksam, Gan gusaý lagta-lagta* (Halk döredijiliginden).

**LAGTALANMAK** [lağtalanmak], *işl.* Lagta-lagta bolmak, tokga tutmak, goýalyp lagta görnüşe geçmek.

**LAGYM** [lağym], *at.* **1**. Depäniň, beýikligiň aşagyndan suw geçirmek üçin gazylýan ýerasty aryk, suw ötügi. **2**. Arassa ýa-da hapa suwlary akdyrmak üçin ýerasty geçirijileriň ulgamy.

**LAGYRDAMA** [lağyrdama], *iş ady.* Lagyrdamak ýagdaýy.

**LAGYRDAMAK** [lağyrdamak], *işl.* **1**. Bagyryp lagyrdyly ses çykarmak. *Bu Hally şahyryň lagyrdap duran göherdine dönüpdir* (N. Pomma). **2**. *göç. m.* Lagyr-lagyr edip hüňürdemek. *Nahar sähel gijä galsa, onsoň ýagryna degilýän göhert ýaly, şol lagyrdar oturar* (N. Hojageldiýew).

**LAGYRDAMAKLYK** [lağyrdamaklyk], *iş ady.* Lagyrdamak ýagdaýy.

**LAGYRDAMAZLYK** [lağyrdamazlyk], *iş ady.* Lagyrdap oturmazlyk, lagyr-lagyr etmezlik.

**LAGYRDAŞMAK** [lağyrdaşmak], *işl.* Birnäçe erkek bilelikde lagyrdamak. *Käte goýunlary suwa ýakanda, suw çekýän erkekler lagyrdaşýardy* (Ç. Gurbangylyjow).

**LAGYRDATMAK** [lağyrdatmak], *işl.* Lagyrdamaga sezewar etmek, lagyrdar ýaly etmek. *Garry düýäni lagyrdatmak.*

**LAGYRDAÝYŞ** [lağyrdaýyş], *iş ady.* Lagyrdamak ýagdaýy.

**LAGYRDY** [lağyrdy], *at.* Düýe bagyranda lagyrdyly ses etmek, lagyr-lagyr etmek, bagyrmak (düýe hakynda).

**LAGYR-LAGYR** [lağyr-lağyr], *s.ş. aňl.söz.* Düýe bagyranda çykýan sesler.

◊ **Lagyr-lagyr etmek** *ser.* **Lagyrdamak**.

**LAHAT,** *at, k. d.* Gör, gabyr; lähet, gabryň içki öýi. *Şahyr Baýly, al nesihat, Ahyry jaýyňdyr lahat* (Baýly şahyr).

**LAHZA,** *hal, k.d.* Göz ýumup-açasy salym, az wagt, şol wagt, şol pursat, birsalym, biraz. ... *Hüýrlukga öz dogany Hüýrzagpyranyň eden işine gahary gelip, bir lahzada sansyz müň leşger ýygnap, Hüýrzagpyranyň üstüne geldi* ("Hüýrlukga – Hemra").

**LAK: lak açmak** *ser.* **Lak bolmak**.*Oturşa-tursa dilini ýetirip duran adam menden almytyny alandan soň lak açaýdy.* **Lak bolmak** dymmak, sem bolmak. *"Men-ä, inim Myrat, seniň bilen guda bolaly!" diýip geldim diýeninden, Myrat kel lak boldy* (A. Durdyýew). **Lak etmek** birini geplemez ýaly etmek.

**LAK** [la:k] I: **lak atmak** söz gatmak, birine bir zat diýmek. *Lak atamda myssyk gülgün, Assa ýöräp bärik gelgin* (Halk döredijiliginden). *Enebaý eje bu goh-galmaga oýanyp, ýorganlarynyň üstünde oýaly-ukuly gözlerini owkalap oturan Aba bilen Ýusupberdä: – Balalam, ogul jigiňiz boldy – diýip, lak atdy-da, täze dogan çaganyň sesi çasly çykýan tama tarap döndi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 10 s.). *Ýigitkäm gyzlara bakman bilmedim, Ýöne lak atmagy hökman bilmedim* (G. Daşgynow).

**LAK** [la:k] **II,** *at, ser.* **Laklar.**

**LAKAM,** *at.* **1**. Ýazyjydyr şahyrlaryň kabul eden edebi ady, tahallus. *Magtymgulynyň edebi lakamy Pyragydyr.* **2**. Adamyň gylyk-häsiýetine, keşbine, kärine we s.m. görä dakylýan at.

**LAKAMLY,** *syp.* Lakamy bar, lakamy bolan.

**LAKAŞA,** *syp.* **1**. Könelip sandan çykan, könelip dargan (gural hakynda). **2**. *göç. m.* Peýdasy degmeýän, özüni oňarmaýan, diňe ýük bolup bilýän (adam). *Ýany bilen gelenlerem-ä birtopar lakaşa.*

**LAKGA I**, *at.* Süýji suwda ýaşaýan, bedeni teňňe ýerine ýumşak deri bilen örtülen, ýasy kelleli uly balyk, ýaýyn. *Onuň çöreginiň owuntyklaryny bolsa hemişe bir lakga balyk iýer eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**LAKGA II: lakga ýuwutmak** birden ýuwutmak, birbada ýuwudyp goýbermek, lak-luk atmak. *Uly balyklar kiçijik balyklary lakga ýuwudýardy.*

**LAKGA-LAKGA,** *at, gepl. d., ser.* **Lagta-lagta.**

**LAKGY,** *syp.* Boş, ugursyz gürrüň edip ýören, gepiniň-sözüniň ugry-utgasy bolmadyk ýaňra. *Bir lakgy çasyrar ol küren ili* (Magtymguly). *Öňde bir ýuwaşdan bendäň öýüne bir lakgy myhman gelipdir* (Ý. Mämmediýew).

**LAKGYLDAMA** [lakgyllama], *iş ady.* Lakgyldamak ýagdaýy.

**LAKGYLDAMAK** [lakgyllamak], *işl.* Bolgusyz zatlar hakynda köp gürlemek, biderek ýaňramak. *Ol gülmesiz zada gülüp, özünden soralmadyk zatlar hakynda lakgyldajak boldy* (N. Pomma).

**LAKGYLDAŞMAK** [lakgyllaşmak], *işl.* Iki ýa-da birnäçe bolup, bilelikde lakgyldamak. *Şony seniň bilen maslahatlaşmaly hem-de ýaşuly bilen birazajyk lakgyldaşaly diýip geldik* (B. Seýtäkow).

**LAKGYLDATMAK** [lakgyllatmak], *işl.* Birini bolgusyz gürletmek. *Gowusy, şoňa habar gatyp lakgyldatmasana!*

**LAKGYLDY** [lakgylly], *at.* Bolgusyz zatlar hakynda edilýän boş gürrüň. *Şular ýaly jogapkärsiz lakgyldylar netijesinde geçen ýyl edilmeli iş ýene yza galýar* (B. Kerbabaýew).

**LAKGYLYK,** *at.* Lakgy gylyklylyk, biderek ýaňramaklyk, ýaňralyk. *Lakgylygyň zyýandan başga peýdasy bolmaz.*

**LAKLAR** [la:klar], *at.* Dagystanyň ýerli ilatynyň bir bölegini düzýän halkyýet.

**LAK-LUK: lak-luk atmak (etmek, ýuwutmak)** nebsewürlik bilen çalt iýmek, hapyr-hupur etmek, şol durşuna ýuwutmak. – *Şonça salam bermedik bolsaň, seni lak-luk atardym – diýipdir* ("Türkmen halk ertekileri").

**LAKMUS** [la:kmus], *at.* Gök reňkli ösümlik boýagy: onuň reňki siňdirilen kagyz kislotanyň täsiri bilen gyzyl reňke, aşgarlaryň täsiri bilen bolsa ýene öňki gök reňkine geçýär. *Lakmus kagyzy.*

**LAKYRDAMA,** *iş ady.* Lakyrdamak ýagdaýy.

**LAKYRDAMAK,** *işl.* **1.** Gaty gaýnanda lakyrdyly seslenmek, lakyr-lakyr edip gaýnamak.

*Aradan ýarym sagat wagt geçmänkä, oturdylan gara kündük lakyrdap gaýnady* (N. Saryhanow). **2.** Tigriň okunyň durýan ýeri iýlip, lakyrdyly seslenmek. *Arabanyň tigri lakyrdap başlapdyr.*

**LAKYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Lakyrdap gaýnamazlyk.

**LAKYRDAŞMAK,** *işl.* Çaý gaýnadylýan gaplaryň ençemesi bile lakyrdamak. *Gaýnan semawarlar lakyrdaşýardy.*

**LAKYRDATMAK,** *işl.* **1**. Gaty gaýnatmak. **2.**Çagşatmak, gowşatmak (teker hakda). *Arabanyň tigirlerini lakyrdadyp taşlapdyrlar.*

**LAKYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Lakyrdamak ýagdaýy.

**LAKYRDY,** *at.* **1**. Gaýnaýan suwuklykdan çykýan sesiň ady. *Gaýnap duran gazanyň lakyrdysy kesildi.* **2.**Okuň durýan ýeri giňän ýagdaýynda çykýan, peýda bolýan sesiň ady (araba, tigir we ş.m.). *Gitdigiçe tigriň lakyrdysy artdy.*

**LAKYR-LAKYR,** *s. ş. aňl. söz.* Suwuklyk yzygiderli gaty gaýnanda çykýan yzygiderli sesler.

◊ **Lakyr-lakyr etmek** *ser.* **1**. **Lakyrdamak.***Şol mahal taňka lakyr-lakyr edip gaýnap çogdy* (N. Pomma).

**LAKY-TAK** [la:ky-ta:k], *hal.* Halys, alaçsyz, ysgynsyz, halys bolan. *Şol gelüwine gumdan çykman, eşegi laky-tak durdy* ("Görogly").

◊ **Laky-tak bolmak** halys bolmak (birine bir zady gaýtalap-gaýtalap aýdyp düşündirjek bolanyňda aýdylýar). *Saňa aýdyp-aýdyp laky-tak boldum.*

**LAKY-TAKLYK** [la:ky-ta:klyk], *at.* Laky-tak halda bolmaklyk, halys bolmaklyk, ysgynsyzlyk, gaty ýadawlyk.

**LAL** [la:l], *syp.* Doga kerligi sebäpli geplemekden mahrum, gepläp bilmeýän (adam). *Malyň göwni ýazlarda, Lalyň göwni sözlerde, Meniň göwnüm sendedir, Seniň göwnüň düzlerde* (G. Ezizow).

◊ **Lal bolmak (açmak)** sesiňi kesmek, sesiňi çykarman, geplemän oturmak, sem bolmak. *Gargasaň gyşyň bar, ýalkasaň ýazyň, Bilbiller lal bolar eşidip owazyn* (A. Kekilow).

**LAL-JIM** [la:l-ji:m], *hal, ser* **Lam-jim.** *Çopan agyr ahwalaty aýdyp gutaransoňam, köpçülik dili tutulan ýaly, bir salym lal-jim bolup oturdy* ("Edebiýat we sungat").

**LALLYK** [la:llyk], *at.* Geplemekden mahrumlyk, dilsiz-agyzsyzlyk, gepläp bilmezlik. *Dil lallyk alamaty däl-de, iki gürrüňdeşiň ruhy halyny biri-birine mälim edýän derwaýys bir ýarag ahyry* (B.Kerbabaýew).

**LAM-JIM** [la:m-ji:m]: **lam-jim bolmak** ses-seda çykmazlyk, geplemezlik, dil ýarmazlyk; sem bolmak, sessiz-üýnsüz oturmak, geplemän durmak. *Ol gepläp bilmän, lam-jim bolaýdy.*

**LAMINAT** [lamina:t], *at.* Ýaşaýyş jaýlarynda ýere ýazmak üçin berk materialdan ýasalan dürli reňkdäki we galyňlykdaky emeli gurnama düşeklik.

**LAMPA I**, *at.* Her hili gurluşdaky yşyk, ýylylyk berýän elektrik çyrasy.

**LAMPA II: özüňi lampa aşak goýbermek** birden oturmak.

**LAŇ: laň bolmak (durmak)** halys ýadamak, lütüň çykmak, örän ýadamak. *Uzak wagt seni gözläp laň boldum.*

**LAŇŇA**, *hal.* Birden, çalasynlyk bilen. *Annatuwak onuň sözüniň soňuny eşitmek islemän, laňňa ýerinden galdy* (B. Kerbabaýew).

**LAŇŇARA**, *at, gepl.d.* Dep, deprek. – *Seniň öz ogluň toýunda-da laňňara bardy– diýip, bir ýigit märekeden seslendi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Laňňara kakmak 1)** dep, deprek çalmak. *Laňňara kakylyp, tar hem çalyndy* ("Garagum"). **2)** el-aýagyňy hereketlendirip begenmek, şatlanmak, heşelle kakmak.

**LAŇŇASY**, *syp., gepl.d.* Ýaňrap, laňňyldap ýören. *Laňňasy adam.*

**LAŇŇYLDAMA** [laňňyllama], *iş ady.* Laňňyldamak ýagdaýy.

**LAŇŇYLDAMAK** [laňňyllamak], *işl.* Lakgyldamak.

**LAŇŇYLDAŞMAK** [laňňyllaşmak], *işl.* Köpçülikleýin laňňyldamak.

**LAŇŇYLDATMAK** [laňňyllatmak], *işl.* Birini laňňyldamaga mejbur etmek.

**LAŇŇYLDAÝYŞ** [laňňyllaýyş], *iş ady.* Laňňyldamak ýagdaýy.

**LAŇŇYLDY** [laňňylly], *at.* Lakgyldy. *Laňňyldyňy bes et!*

**LAP** [la:p]: **lap urmak** biderek ýere öwünmek, boş güplemek, magtanmak, çişmek, paňlamak. *Ýüregim sap erer diýp urmagyl lap* (Sopy Allaýar). **Lap etmek** hakyky bolşundan ulaldyp aýtmak, çişirmek. *Çöl ýerde göwre galdyrma, Ol-da hoşdur, syr bildirme, Lap edip, dahan doldurma, Jeň nan degil diş üstünde* (Magtymguly). *Lap edip aýtdygym däl, kitap tapsa, oňa çöregem gerek däldi* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk, 29 s.). *Indi biziň obamyz tanalmaz ýaly boldy diýip, lap etmän aýtmak bolar* ("Türkmenistan").

**LAPBA: lapba gyzmak** birden, birbada, çalt, tiz gyzmak. *Gorkusyndan gözleri petredi, endam-jany tamdyra tutulan dek lapba gyzdy* (G. Kulyýew).

**LAPLAMA** [lapylama],*iş ady.* Laplamak ýagdaýy.

**LAPLAMAK** [lapylamak], *işl.* **1.** Ýalynlap sesli ýanmak, lap-lap edip ýanmak. *Ot laplap ýandy.* **2.***göç.m.* Gyzmak, gyzgynlygy ýokarlanmak, galmak. *Ýeriň ýüzi laplap gyzdy.*

**LAP-LAP**, *s. ş. aňl. söz.* Ot bir peselip, birdenem güýçlenip laplap ýananda çykýan sesler we gyzaryp emele gelýän şekiller .

◊ **Lap-lap etmek 1**) laplamak.*Ojakdaky ot lap-lap edip ýanýardy.* **2**) gaty gyzdyrmak, ýanyp barmak (beden gyzgynlygy hakynda). *Onuň gyzgyndan ýaňa endam-jany lap-lap edýärdi.*

**LAPYKEÇ** [la:pykeç], *syp.* Keýpi bozulan, ruhdan düşen. *Ol lapykeç bolup kellesini ýassyga goýdy.*

◊ **Lapyny keç etmek** biriniň keýpini gaçyrmak, keýpini bozmak, janyny ýakmak. *Onuň bu ýoknasyzlygy hemmeleriň lapyny keç etdi.*

**LAPYKEÇLIK** [la:pykeşlik], *at.* Lapykeç ýagdaýda bolmaklyk, keýpi bozuklyk.

**LARKARMAK,** *işl.* Giňligi üçin aýakdan gaçjak, sypjak ýaly bolmak. *Uly köwüş aýagyna giň bolup larkaryp durdy.*

**LARKY,** *syp., gepl.d.* **1.**Goram-gowşak, bedenine erk edip bilmeýän. *Larky adam.* **2**. Giňliginden aýakdan gaçjak bolup duran. *Larky köwüş.*

**LARKYLDAMAK** [larkyllamak], *işl.* Lark-lark edip durmak, larkyldysy bolmak. *Gapy larkyldap dur.*

**LARKYLDY** [larkylly], *at.* Araba bijaý ýoldan ýörände, petlesi gowşak gapy açylyp-ýapylanda we ş.m. çykýan sesiň ady.

**LARK-LARK**, *s.ş.aňl.söz.* Bir zat giň bolanda, ýerine barmadyk ýagdaýynda çykýan sesler.

◊ **Lark-lark etmek** larkyldamak.

**LARSA: larsa galmak. 1)** birden pökgermek, şol bada gaty çişmek (ten hakynda). *Wüşi kel köýnegini ýokaryk çekip, ýagyrnysyny görkezdi, taýagyň degen ýeri larsa galyp, ýol bolup durdy* (A. Gowşudow). **2)** *göç. m.* Birden ösmek. *Gyrtyçlar goýnuň kirpigi ýaly larsa galdy* ("Edebiýat we sungat").

**LARSA-LARSA: larsa-larsa galmak** endamyň birnäçe ýeri çişmek (ten hakynda). *Endamynyň käýeri larsa-larsa galypdyr* (A. Gowşudow).

**LARS-LARS,** *s. ş. aňl. söz.* Goýy zat yzygiderli gaýnanda çykýan ses.

◊ **Lars-lars etmek** gaýnadylýan goýy zadyň ýüzünde uly-uly düwmeler döräp, larsyldap gaýnamak. *Agyrlaç lars-lars edip gaýnaýan toşabyň reňki öwrülipdir* (B. Kerbabaýew).

**LARSYLDAMA** [larsyllama], *iş ady.* Larsyldamak ýagdaýy.

**LARSYLDAMAK** [larsyllamak], *işl.* Lars-lars edip gaýnamak. *Goýalyp başlan toşap larsyldap gaýnap dur.*

**LARSYLDAŞMAK** [larsyllaşmak]. *işl.* Köpçülikleýin lasyrdamak. *Toý ýerinde ýarma bişýän äpet gazanlar larsyldaşyp gaýnaýardy.*

**LARSYLDATMAK** [larsyllatmak], *işl.* Larsyldyly gaýnatmak. *Larsyldadyp toşap gaýnatmak.*

**LARSYLDAÝYŞ** [larsyllaýyş]. *işl.* Larsyldamak ýagdaýy.

**LARSYLDY** [larsylly]. *at.* Bişirilýän zat gaýnap goýalanda çykýan sesiň ady. *Gaýnap duran mürepbäniň larsyldysy eşidilýärdi.*

**LASYRDAMAK**, *işl.* Lasyrdyly ses bilen gaty gaýnamak, lasyr-lasyr etmek *Soňra lasyrdap duran tüňçäni göterip, bir çetde goýdy* (G. Kulyýew).

**LASYRDAŞMAK**, *işl.* Köpçülikleýin lasyrdamak. *Gazanlar lasyrdaşyp gaýnap dur.*

**LASYRDATMAK**, *işl.***1**. Lasyrdyly gaýnatmak. **2.** *göç. m.* Gaty gyzdyrmak, ýakyp barmak (gün hakynda). *Beýnileri lasyrdadýan günüň gyzgyndan beter, gumuň petiş howry ýürege urýardy* (B. Kerbabaýew).

**LASYRDAÝYŞ** , *iş ady.* Lasyrdamak ýagdaýy.

**LASYRDY,** *at.* Bişirilýän nahar lasyr-lasyr edip gaty gaýnanda çykýan sesiň ady.

**LASYR-LASYR,** *s.ş.aňl.söz.* Goýy suwuklyk, nahar gaty gaýnanda yzly-yzyna çykýan sesler.

◊ **Lasyr-lasyr etmek** *ser.* **Lasyrdamak.** *Çopanyň gazanjygy lasyr-lasyr edip gaýnaýardy* (B. Kerbabaýew).

**LATYN** [laty:n]: **latyn dili** Gadymy Rimde ýaşan halkyň dili. **Latyn elipbiýi 1**) latyn diliniň elipbiýi; **2**) latyn elipbiýine esaslanýan elipbiý.

**LATYNÇA** [laty:nça], *hal.* **1.** Latyn dilinde. *Latynça ýazgy.* **2.** Latyn elipbiýinde, latyn harpynda ýazylan.

**LATYNLAŞDYRMAK** [laty:nlaşdyrmak], *işl.* Latyn elipbiýiniň esasynda elipbiý döretmek.

**LATYŞ** [laty:ş], *at, ser.* **Latyşlar.**

**LATYŞLAR** [laty:şlar], *at.* Latwiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**LAÝ** [la:ý] **I,** *at.* **1**. Suwag üçin ýörite edilen palçyk. *Özi bolsa laý edip, ojakdyr tamdyr ýasady* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Suwuň köp ýatan ýerinde emele gelen palçyk, lüýk we olaryň syçrantgysy. *Ýap-ýaňyja geýimlerini geýdirip goýberipdim welin, eýýäm laý edipdir* (Ö. Abdyllaýew). **3.** Jaý, haýat salmak, kerpiç guýmak üçin toýundan taýýnlanan, agdarylyp eýlemi ýeten ýörite palçyk. *Bagyň daşyna laýdan üç pagsa haýat çekilipdi* ("Garagum"). **4.** Dury bolmadyk, bulanyk. *Al şeraba el uzatdym, emendim, Durusyn içmişler, laýa sataşdym* (Magtymguly).

◊ **Laýa batmak** çykgynsyz ýagdaýa düşmek, heläk bolmak. *Ömür saly laýa batar, Günbe-günden derdi artar* (Magtymguly).

**LAÝ** [la:ý] **II: bir laý** boýdan-başa, başdan-aýak; bir ýola, bir gezek. *Maşynyň töwereginde öwelişip duran bize bir laý göz gezdirdi* (R. Gelenow). **Bir laý** (geýim hakynda) geýilýän eşiklerden bir sanysy. *Çalşyrgyjy zady bolmaz, ähli geýimi ýeke laýdy* (K. Gurbannepesow). *Ol inisine bir laý kostýum-balak satyn aldy.*

**LAÝÇY** [la:ýçy], *at.* Laý edýän adam, laý işi bilen meşgul bolýan işçi. *Ärnazar işan hem şol wagt ak sakgalyny sypap, bagana possunyny ýelbegeý alyp, laýçylaryň ýanynda tomaşa edip ýördi* ("Türkmen halk ertekileri").

**LAÝYK** [la:ýyk / yla:ýyk], *syp.* **1**. Biçimi bap gelýän, dogry gelýän. *Wepanyň özüne laýyk tikilen bir laý araçäkçi esgerleriň egin-başyny, papagyny, ädigini sylag berdi* (A. Gowşudow). *Her käriň özüne laýyk täri bar* (A. Kekilow). **2.**Gabat gelýän, jüpleşip duran, biri-birine şap bolýan. **3.**Bir zadyň başga bir zat bilen özara gatnaşygy deň, dogry, sazlaşykly, kybapdaş . *Döwrüň talabyna laýyk işlemeli. Her bir zady kanuna laýyk getirmeli.* **4.**Dogry, göni, edil, doly. *Ondan bäri laýyk dört ýyl geçdi.*

**LAÝYKLAMA** [la:ýyklama], *iş ady.* Laýyklamak ýagdaýy.

**LAÝYKLAMAK** [la:ýyklamak], *işl.* **1**. Deň getirmek, laýyk etmek, barabar etmek,

deňlemek.*Ülňä laýyklap kesişdirmek.* **2**. Dogry getirmek, gönülemek, dogrulamak. *Dürbini öz gözüne laýyklap, eýläk-beýläk gezdiren Annak seslenenini duýman galdy* (B. Kerbabaýew).

**LAÝYKLAÝYŞ** [la:ýyklaýyş], *iş ady.* Laýyklamak ýagdaýy.

**LAÝYKLYK** [la:ýyklyk], *at.* **1**. Deňeşdirilýän zadyna laýyk ýagdaýda bolmaklyk. **2**. Biri beýlekisine ýaraşyp durmaklyk, mynasyplyk, baplyk. *Ol, belki, onuň Aýgüle laýyklygy barada hiç bir zat göwnüne getirmän, diňe işeňňirligini, düşünjesini, ukybyny öwýändir?* (B. Kerbabaýew).

**LAÝYKLYKDA** [la:ýyklykda], *hal.* Görä.

**LAZER** [la:zer], *at.* Belli bir ýygylykdaky elektromagnit şöhlelenmesiniň öran ýiti we çalasyn häsiýetli ýagtylyk şöhlesini almak üçin enjam. *Lazer şöhlesi.*

**LAZYM** [la:zym], *hal, k.d.* Derkar, zerur, gerek. *Bir posa talap kyldym, "Lazymdyr ölüm" – diýdi* (Mollanepes). *Lazym olsa, wah diýmerin, bu janym bergeý saňa* (A. Atabaýew).

**LE,** *bagl., k.d.* Bilen, bile. *Söweşmegil, Garajaoglan, pelek le, Gunça düşmez aşyklara dilek le, Gelin-gyzlar ýaýyk ýaýar bilek le, Sallanyýor kümüş halhal golunda* (Garajaoglan).

**LEB** [lev], *at, şahyr.* **1.** Dodak. *Lebi şeker, agzy gunça, Ol zülpi tardan aýryldym* (Magtymguly). *Leblerinden bal akar, Şadyýan läle kakar* (G. Ezizow). **2.** *k. d.* Gyra, ýaka, boý, kenar (deňiz, derýa we ş.m. hakynda). *Kepderiler bir silkinip, perizat boldular we kapasy serhowzuň lebinde goýdular* ("Hüýrlukga – Hemra"). *Derýa lebi otluk, suwluk, ajap çemenlik bir ýer erdi* ("Gül – Bilbil") .

**LEBBEÝIK** [lepbeýik], *kön. s.* "Hawa, men taý-ýar, men häzir, men bar; buýrugyňyza men taýyn" diýen manydaky giriş söz. *Mejnun bu sözi eşidip, "Lebbeýik" diýdi* ("Leýli – Mejnun").

**LEBIZ** [leviz], *at.* Bir zat hakynda berlen wada, söz, ygrar, äht.

◊ **Lebiz etmek** bir zady etmeklige söz bermek, boýun bolmak, wada bermek. *Gijeler ýatmaga bolmaz kararym, Lebiz edip men, bir wadada duraryn* ("Şasenem – Garyp"). **Lebziňde durmak** beren sözüňi ýerine ýetirmek,wadaňda tapylmak, ygrarly bolmak. *Arap at meýdanda ýörär, Är bolan lebzinde durar* ("Görogly"). **Lebziňden dänmek** *ser.* **Lebziňi ýuwutmak.** *Sähet aga özüniň lebzinden dänmejegini aýdýar* ("Edebiýat we sungat"). **Lebziňi ýuwutmak** eden wadaňda tapylman, ähdiňi bozmak, lebziňden dänmek, ygrarsyz bolmak.

**LEBIZLI** [levizli], *syp.* Eden wadasynda tapylýan, beren sözünde durýan, durnukly, ygrarly. *Lebizli ýigit.*

**LEBIZLILIK** [levizlilik], *at.* Lebzi barlyk, ygrarlylyk.

**LEBIZSIZ** [levissiz], *syp.* Lebzi ýok, beren sözünde durmaýan, ygrarsyz. *Lebizsiz adam.*

**LEBIZSIZLIK** [levissizlik], *at.* Lebzi ýokluk, ygrarsyzlyk.

**LEBIZ-YGRAR** [lebiz-ygra:r], *at,ser.* **Lebiz**. *Lebzine-ygraryna garap, adama baha bermelidir* (H. Derýaýew).

**LEÇ: leji çykmak1)** ýadap halys bolmak, haýy gaçmak, aryp tapdan düşmek, ysgyndan-kuwwatdan gaçmak. *Bize bir dem ber, halys lejimiz çykdy* (N. Pomma). **2)** *ser.* **Lenç etmek**. *Leji çykan jümleler.*

**LEÇEK***at,kön.s.*1.Gyňaç, ýaglyk. *Başyňyzda elwan leçek, Biliňizde tylla pyçak* ("Görogly"). **2**.*gepl.d.*Ýaşmak, ýaşmaklyk; börügiň aşagyndan aýlanyp alnyňdan sary ýa-da gyzyl reňkli ýüpek mata.

**LEGEN**, *at.* Kir ýuwulýan ýa-da hojalykda başga maksatlar üçin ulanylýan ýuka metal gap, taz.

**LEGENDA** [leğe:nda], *at.* Taryhy waka ýa-da adam hakynda aýdylýan şahyrana hekaýa, rowaýat. *Siz bolsa, şöhratly legendany ýok etjek bolýarsyňyz* ("Edebiýat we sungat"). *Ertekiler, legendalar halkyň arasynda köp ýaýrapdyr.*

**LEGENDAR** [leğenda:r], *syp.* **1**. Ady legenda öwrülen. *Legendar gahryman.* **2**. Haýran ediji, beýlekilerden üýtgeşik, görlüp-eşidilmedik, geň.

**LEGLEK** [leğlek], *at.* Aýagy, boýny uzyn, uly ak guş.

**LEGSAN** [legsa:n]**:legsan etmek** basgylaşdyryp, üzüp-ýolup weýran etmek, basalap ýere sokmak, torç etmek, zaýalamak (ekin hakynda). *Her kim her zat diýse-de, arpany legsan eden zadyň nämedigini bilen bolmady* (B. Kerbabaýew).

**LEGZAN** [leğza:n]: **legzan etmek** bir zadyň yzynda ýa-da ugrunda kösemek, sergezdan etmek. **Legzan urmak** hars urup ýörmek, ýetişiksiz ýagdaýda elewremek. *Legzan urup nireden gelýärsiň?*

**LEJIKDIRMEK,** *işl.* Irizmek, ýadatmak. *Günüň-gününe şol bir zady iýseň, kimem bolsaň lejikdirýän eken.*

**LEJIKME,** *iş ady.* Lejikmek ýagdaýy.

**LEJIKMEK,** *işl.* Halys bizar bolmak, lejiň çykmak, irmek, ýadamak. *Gurban bu ýumuşlardan lejigenden soň, baýyň aýalyna we ogluna ýüzlenip: – Zol Gurban bolup dur-la?! – diýip zeýrendi* (A. Durdyýew).

**LEJIKMEKLIK**,*iş ady*. Lejikmek ýagdaýy.

**LEK,** *at, kön.s.* Ýüz müň adamdan ybarat goşun bölümi. *Elgaraz, ýedi lek goşun jem boldy* ("Saýatly – Hemra").

**LEK** [le:k], *at.* Albaniýanyň pul birligi.

**LEKIN,** *kön. s.* Emma, ýöne. *Özi açyp girjek boldy, lekin gapysyny açyp bolmady* ("Görogly")

**LEKLEKI,** *at.* Taraçylykda ýüpek, ýüplük keleplenende daşyna kelep saralýan el guraly.

**LEKSIKA** [le:ksika], *at, dil. b.* Diliň düzümine girýän sözleriň jemi; awtoryň eserleriniň sözlük düzümi ýa-da durmuşyň belli bir ugrunda ulanylýan sözleriň jemi.

**LEKSIÝA** [le:ksiýa], *at,* Mugallymyň haýsy hem bolsa bir temany ýa-da ýörite sapagy ýatdan, dil üsti bilen beýan etmegi.

**LELLERIŞMEK,** *işl.* Köpçülik bolup, bilelikde lellermek.

**LELLERMEK,** *işl.* Suslanmak, ysgynsyzlanmak, gowşamak, başarnyksyz bolmak.

**LELLERIŞ,** *iş ady.* Lellermek ýagdaýy.

**LELLIM,** *syp.* Agzyny öweldip ýören, örän gowşak, başarnyksyz, nalajedeýin. *Bilýän bolsaň, hiç wagtda lellim bolmagyn!* (B. Kerbabaýew).

**LELLIMLIK,** *at.* Lellime mahsus gylyk-häsiýet, lellim bolmaklyk. *Sizem şu işde lellimlik etmäň* (G. Kulyýew).

**LEMMER,** *at.* Üsti-üstüne toplanan, üýşen, toplum. *Lemmer bulutlar haýal süýşýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**LEMMER-LEMMER,** *syp.* Has köp, gat-gat, topbak-topbak, toplum-toplum. *Lemmer-lemmer möwç uran, Ol derýalar galmazlar* (Magtymguly).

**LEMMERLENIŞ,** *iş ady.* Lemmerlenmek ýagdaýy.

**LEMMERLENMEK,** *işl.* Lemmer-lemmer bolmak, üsti-üstüne üýşmek, gat-gat bolmak. *Asmanda bulutlar lemmerlenýärdi.*

**LEMMI-LEMMI: lemmi-lemmi etmek** agzyň gowuşmaýan ýaly bolgusyz hem köp geplemek, ugursyz gürläp oturmak. *Hemmesi hem seniň özüňdendir-le, baran ýeriňde lemmi-lemmi edip oturansyň, häli men gitsem, boş gelmejegim-ä bilýän* (A. Durdyýew).

**LENÇ: lenç bolmak** bizar bolmak, irmek, ýadamak, halys bolmak. *Aladadan ýaňa lenç bolmak.* **Lenç etmek** bir aýdylan zady gaýtalap durmak, gaýtalap ýürege düşmek, halys irizmek, ýagyr etmek. **Lenç edilmek 1**) basgylanyp torç edilmek, depelenmek. *Hüjüm edip çar tarapdan kän ýagy, Lenç edildi depeleriň topragy* (A. Kekilow). **2**) Öň gaty köp ýüzlenilen, ýazylan. *Hekaýa lenç edilen tema bagyşlanypdyr.*

**LENTA** [le:nta / lente], *at.* **1**. Insiz zolak mata. **2**. Her hili materialyň insizje zolagy. *Kagyz lentasy. Kino lentasy.*

**LEŇ**, *syp., k. d.* Agsak, keýtik. *Biliň buruk, aýagyň leň* (Zynhary).

**LEŇKE,** *at.* Köplenç, düşekçe we ş.m. tikilýän zolakly berk nah mata.

**LEŇKEBUT** [leňkevu:t], *at.* Aýaklary uzyn, göwresi tokgaja, kerepden tor ýasaýan, siňek awlap ýaşaýan möýe meňzeş mör-möjek.

**LEŇKILDEME** [leňkilleme], *iş ady.* Leňkildemek ýagdaýy.

**LEŇKILDEMEK** [leňkillemek], *işl.* Leňk-leňk edip ýöremek, keýtiklemek; towsaklaýan ýaly edip çaltrak ýöremek.

**LEŇKILDEŞMEK** [leňkilleşmek], *işl.* Köp bolup leňkildemek. *Süriniň agsak-towsaklary leňkildeşip, süýrenişip barýardy.*

**LEŇKILDETMEK** [leňkilletmek], *işl.* Leňkildär ýaly sürmek, leňkildemäge mejbur etmek. *Kel hem batyr agsak ýabyny leňkildedip:–Hany biz näme iş bitirýäris!– diýip ugrady* ("Türkmen halk ertekileri").

**LEŇKILDEÝIŞ** [leňkilleýiş], *iş ady.* Leňkildemek ýagdaýy.

**LEŇKILDI** [leňkilli], *at.* Leňk-leňk edip ýörelende döreýän şekiliň ady.

**LEŇK-LEŇK**, *s. ş. aňl. söz.* Leňk-leňk edip ýörelende döreýän şekil.

**LEŇŇEÇ,** *at.* Sekiz aýakly, gysgyç agyzly, uzyn murtly, iki tarapyna hem ýöreýän, suwda ýaşaýan jandar. *Deňiz leňňeçleri.*

◊ **Leňňeç ýaly** ugur-utgasyz, gepinde-sözünde belli bir ugur bolmadyk (ýaramaz adam hakynda). *Ol edil leňňeç ýalydyr, ilki bir zat diýer, yzyndanam başga zat diýer.*

**LEŇŇER,***at.* **1**. *gepl.d.* Bir zadyň agramy. *Gara dag gara ýeriň leňňeri* (Nakyl). *Ýeliň zarby hem onuň öz leňňeri wyşkany iki-baka näçe yrasa-da, güýçli traktorlar onuň ýykylmagyna maý bermeýärdi* (B. Kerbabaýew). *Garry ene: "Torbanyň-a agram, leňňeri ýok eken, özümem äkidip biljek" diýdi.* **2**. Bir zadyň mäkäm durmagy üçin agramlyk daş ýa-da başga bir zat. *Degirmen daşynyň üstünde goýulýan leňňer agyr goýulsa, un maýda üwelýär, ýeňil goýulsa, un irimçik bolýar.*

◊ **Leňňer atmak** agramyna yranyp durmak. *Gämi deňizde leňňer atyp durdy.*

**LEPBERILMEK,** *işl, ser.* **Lepbermek.** *Lepberilip oturan ýeriňden bize nobat bermän, gürrüň edip otursaň näderdik?!* (N. Pomma).

**LEPBERIŞ,** *iş ady.* Lepbermek ýagdaýy.

**LEPBERME,** *iş ady.* Lepbermek ýagdaýy.

**LEPBERMEK,** *işl.* Ýapyrylyp oturmak, biliňi büküp, eplenen ýaly bolup oturmak, ýapbaşyp oturmak. *Ol giç öýlä çenli lepberip oturdy.*

**LEPBEÝ,** *ugrukd.* "Hyzmatyňa taýýar, gulluk, bolýar" diýen ýaly manyda birinji şahs tarapyndan aýdylýan söz. *Sen ýöne biziň diýenjigimizi et-de, näme buýursak, "lepbeý" diý-de, işledejik ýör* (A. Durdyýew).

**LERZAN** [lerza:n]**: lerzana gelmek** güýçli zarba sebäpli titremek, elenmek, sandyramak. *Zemin jünbüş eýläp, geldi lerzana* (Magtymguly).*Gopup çaganyň ýüregi, ýaş süňňi lerzana geldi* (Ç. Aşyrow). **Lerzan urmak** *ser.* **Lerzana gelmek.** *Süýeklerim lerzan urar sözüňden, Jisminiň şährine talaň salan ýar* (Halk aýdymyndan).

**LEŞGER** [leşğer], *at.* **1**. Goşun. *Han babamyň gaşyna men baraýyn, Agyr hazyna, bol leşger alaýyn* ("Kitaby dedem Gorkut"). *Soňra weziri bilen leşgerlerini alyp, atlanyp, oglanlarynyň öňünden çykdy* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2**. *göç. m.* Nöker, biriniň yzyna eýerýän adamlar topary.

**LEŞGERBAŞY** [leşğervaşy], *at.* Leşgeriň ýolbaşçysy, leşgeriň serdary.

**LET**: **let iýmek** birinden käýinmek, azar-ýamanyny görmek. *Şol çagadan tarap halys let iýdim.*

**LETDE**, *at.* Esgi, jinde, köne-sana, ýyrtyk-ýyrtyk zatlar. *Eliniň ýagyny letde bilen süpürdi* (O. Akmämmedow). *Nebit siňen letdäniň ajymtyk ysy burnuňa urýardy* (Ý. Durdyýew).

**LEÝIS**, *syp.* Dagap ýatan, pytrap ýatan (köp zat hakda).

◊ **Leýis bolmak** köp mukdarda dagap, çaşyp ýatmak, bol bolmak, dökün bolmak. *Her ýerde gawun, her ýerde garpyz leýis bolup ýatyrdy* (B. Kerbabaýew). *Leýis bolup ýatyr gulanyň eti* (A. Salyh). **Leýis etmek** köp sanlysyny ýere ýazmak, dagytmak.

**LEÝLISAÇ,** *at, ösüml.d.*Söwüdiň inçe ýaprakly çybyklarynyň ýere sallanyşyp duran görnüşi.

**LEÝMUN** [leýmu:n], *at, kön.s., ser.* **Limon**. *Narynjy, turunjy, leýmun, almalar, Bir abadan baga düşdüm, ýaranlar* (Magtymguly).

**LEÝTENANT** [leýtena:nt], *at, harby.* Goşunda kiçi serkerdelik at ýa-da dereje we şol at berlen adam. *Kiçi leýtenant. Uly leýtenant.*

**LEÝTENANTLYK** [leýtena:ntlyk], *at.* Leýtenantyň gulluk ýagdaýy, harby derejesi. *Oňa täzelikde leýtenantlyk berildi.*

**LEÝZANGÜL** [leýza:ngül], *at,gepl.d.* Halk döredijiliginiň aýal-gyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän läle görnüşli bir žanry. *Daglara gar düşüpdir, leýzangül, Ýadyma ýar düşüpdir, leýzangül* (Halk döredijiliginden).

**LEZGI** [lezği], *at, ser.* **Lezgiler.** *Lezgi dili. Lezgi edebiýaty.*

**LEZGILER** [lezğiler], *at.* Dagystanda hem-de Azerbaýjanyň käbir ýerinde ýaşaýan kawkazly halkyýet.

**LEZGINKA** [lezğinka], *at.* Kawkaz halklarynyň haýallyk bilen ýerine ýetirýän tansy we onuň sazy.

**LEZZET,** *at.* **1.** Iýilýän, içilýän zatlardan alynýan keýp, maza. *Togsan dürli tagam bolsa gaşyňda, Ne lezzet içinde duz hem bolmasa* (Magtymguly). **2.**Döreýän kanagatlanma duýgusynyň aňrybaş derejesi. *Dutaryň owazyndan alynýan lezzete deň geljek zat ýok.*

**LEZZETLENIŞ,** *iş ady.* Lezzetlenmek derejesi.

**LEZZETLENMEK,** *işl.* Lezzet almak.

**LEZZETLI,** *syp.* **1.** Lezzet berýän, mazaly, süýji, tagamly. *Lezzetli nahardan soň çaý içdik.* **2.** *göç. m.* Keýpli, eşretli, ýakymly. *Şol geçen lezzetli pursatlar, günler Indi diňe ýaşar ýörer hyýalda* (I. Nuryýew).

**LEZZETLILIK**, *at.* **1.** Lezzetli bolmaklyk, lezzeti barlyk, lezzetsiz dällik.

**LEZZETSIZ** [lezzessiz], *syp.* **1.** Lezzeti ýok, mazasy bolmadyk, süýji däl, tagamsyz, mazasyz. *Lezzetsiz tagam. Lezzetsiz nahar.* **2.** *göç. m.* Lezzeti bolmadyk, lezzet bermeýän, tolgundyrmaýan. *Käbir goşgular juda lezzetsizdi.*

**LEZZETSIZLIK** [lezzessizlik]**,** *at.* Lezzetsiz bolmaklyk, lezzeti ýokluk, lezzetli dällik.

**LÄ** [lä:], *sazç.* Saz ses hatarynyň altynjy sesi we şol sesi aňladýan saz belgisi.

**LÄBIK** [lä:vik], *at.* **1.** Suwuk palçyk, lüýk, laý, laýly suw. **2.** Ýanardag (wulkan) atylanda onuň ýokarsyndan ýeriň üstüne eräp çykýan mineral jisimler.

**LÄGIRIŞ** [lä:ğiriş], *iş ady.* Lägirmek ýagdaýy.

**LÄGIRIŞMEK** [lä:ğirişmek], *işl.* **1.** Birden köp bolup uzyn-uzyn çirkin ses etmek, bilelikde lägirmek (geçi hakynda). *Owlaklar lägirişdiler.* **2.** Gorkudan ýaňa gaty gygyryşmak, çirkin aglaşmak, gaty ses bilen gygyryşmak (çaga, adam hakynda). *Çagalar lägirişip, ýerlerinden galdylar.*

**LÄGIRME** [lä:ğirme], *iş ady.* Lägirdäp durmak ýagdaýy.

**LÄGIRMEK** [lä:ğirmek], *işl.* **1**. Uzyn-uzyn çirkin ses etmek, gygyrmak (geçi hakynda). *Geçi ýene lägirdi.* **2**. *gepl. d.* Gorkudan ýaňa gaty gygyrmak, çirkin aglamak, gaty ses bilen gygyrmak, wägirmek (çaga, adam hakynda). *Duran ýerinden agzyny hatap ýaly açyp: Wä-ä, wä-ä! – diýip lägirdi* (A. Durdyýew).

**LÄGIRTMEK** [lä:ğirtmek], *işl.* **1.** Uzyn-uzyn ses etdirmek, lägirmäge mejbur etmek, gygyrtmak (geçi hakynda). *Owlagy lägirtmek.* **2.** *gepl. d.* Gorkuzyp gaty gygyrtmak, çirkin aglamaga, gaty ses bilen gygyrmaga mejbur etmek (çaga, adam hakynda). *Çagany lägirtmek.*

**LÄHEŇ,** *at.* **1.** Deňizde ýaşaýan süýdemdiriji, iň uly jandar, kit. *Gämige labyrdyr, derýa läheňdir* (Magtymguly). **2.** *syp., göç. m.* Äpet, mähnet, ägirt, uly. *Şeýle beýiklikdäki tolkun dyňzap ugranda, göwnümize bolmasa, dagyň läheň daşlary dargap kenar gaýra süýşäýjek ýaly boldy* ("Edebiýat we sungat").

**LÄHET,** *at, k. d., ser.* **Lahat**. *Sen bilen lähede bile, Girerin senden aýrylman* ("Görogly").

**LÄKEME** [lä:keme], *at.* Kürek bilen herekete getirilýän, 500-600 put ýüki göterýän gaýygyň bir görnüşi.

**LÄLE** [lä:le] **I,** *at.* Gyzlaryň üýşüp ýa-da ýekelikde sazsyz aýdýan aýdymy (halk döredijiliginiň bir görnüşi).

◊ **Läle kakmak** belli bir heňde läle aýtmak.

**LÄLE** [lä:le] **II,** *at.* **1**. Gyzyl reňkli gül. *Ýaňagyň misli läledir, Bakyşyň janym aladyr* ("Şasenem – Garyp"). *Açyldy zemin lälesi, Üşbu dünýä reýhan bu gün* (Magtymguly). *Zeminiň lälesi, asmanyň aýy, Dünýäniň göwheri-käni, Ogulbeg* (Kemine). **2**. *göç. m.* Söýgüli gyz (esasan birinji şahsyň degişlilik goşulmasyny kabul edýär). *Emma, düşün, läläm, şeýle gün dogar: Saçlaryň nur bolup, üstüme ýagar* (G. Ezizow). **3**. Gyza dakylýan at.

◊ **Läle ýaly** kir-kimiri aýrylyp, reňki gowy açylan (ýuwlan eşik hakynda).

**LÄLE-REÝHAN** [lä:le-reýha:n], *at, ser.***Läle** we **Reýhan**.

**LÄLEZAR** [lä:leza:r], *syp., at.* Läle gülüniň köp gögerip oturan ýeri, meýdany. *Lälezar çemenli düzlerim galdy* (Seýdi). *Asman lälezardyr, Toprak – tenekar* (K. Gurbannepesow).

◊ **Lälezar bolmak** al-elwan gül biten ýaly bolmak.

**LÄLEZARLYK** [lä:leza:rlyk], *at.* Gülzarlyk, gülli-çemenli meýdan. *Öňki tozan çölüstan giň lälezarlyga öwrüldi* ("Watan"). *Men bu gün säher oýanyp, çykdym lälezarlyga, Depäm üste ümmülmez gümmeze gözüm düsdi.* (G.Ezizow).

**LÄLIK** [lä:lik], *syp.* Edenine däl diýilmän, aýnadylyp saklanan, eziz görlüp ulaldylan, söýlüp

ösdürilen. *Nartäç ejesi-kakasy tarapyndan lälik saklanan gyzdy* (A. Gowşudow). *Lälik saklanypdyr, ýok okan ýeri, Bilini agyrdyp dökmändir deri* (A. Kekilow).

**LÄLIKLIK** [lä:liklik], *at.* Lälik bolmaklyk, läligiň bolşy, gylyk-häsiýeti, özüni alyp barşy. *Ýadyňyzdamy, okaýarkak hem onda läliklik, öz-özünden göwni bitginlik duýulýardy* (B. Pürliýew).

**LÄLIKSIREME** [lä:liksireme], *iş ady.* Läliksiremek ýagdaýy.

**LÄLIKSIREMEK** [lä:liksiremek], *işl.*Aýnan bolmak, lälik bolan bolmak, aýnadylan çaga ýaly bolan bolmak. *Lälik gülüm läliksiräp, ajap lälik basyşyň Aşyk awça al salar sen, tez maral deý böküşiň* ("Türkmen halk döredijiligi").

**LÄLIKSIREŞMEK** [lä:liksiretmek], *işl.*Birnäçe bolup, bilelikde läliksiremek. *Näme beýle läliksireşýärsiňiz!*

**LÄLIKSIRETMEK** [lä:liksiretmek], *işl.*Lälik etmek. *Ejeň ony läliksiredip ösdürdi* ("Garagum").

**LÄLIKSIREÝIŞ** [lä:liksireýiş], *iş ady.* Läliksiremek ýagdaýy.

**LÄLIRGEMEK** [lä:lirğemek], *işl., gepl.d.*Läliksiremek.

**LÄŞ** [lä:ş], *at.* Jansyz göwre, jeset, maslyk. *Magtymguly, jan myhmandyr, göwre – läş* (Magtymguly).

◊ **Läş bolmak** ölmek, maslyk bolmak. *Topragyňda läş bolup, guma garyldy duşman, Geçirdiň ganymlary naýzadan, çişden, Watan* (A. Kekilow).

**LÄŞEKI** [lä:şeki], *at.* Iýmäge ýaramsyz gawun-garpyz. *Edil dagyň daşy ýaly, Biýarada läşeki kän* (K. Taňrygulyýew).

**LIDER** [li:der], *at.* Ýurduň, syýasy partiýanyň we ş.m. uly abraýdan peýdalanýan täsirli ýolbaşçysy.

**LIGIN** [liğin], *at.* Gömlüp, üsti suwalyp goýlan saman we ş. m. tümmekleri. *Meýdançada saman ligin edilip suwalypdy* (N. Hojageldiýew). *Käýerde-käýerde gömülen saman liginleri kiçeňräk depelere meňzeş bolup ýatyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**LIGIRDEME** [liğirdeme], *iş ady.* Ligirdemek ýagdaýy.

**LIGIRDEMEK** [liğirdemek], *işl.*Gözleri oýnaklap durmak. *Gözleri ligirdäp durdy.*

**LIGIRDEŞMEK** [liğirdeşmek], *işl.* Iki ýa-da ondan artyk göz ligirdemek.

**LIGIRDETMEK** [liğirdetmek], *işl.*Gözlerini oýnaklatmak.

**LIGIRDI** [liğirdi], *at.* Göz oýnaklap duranda emele gelýän şekiliň ady.

**LIKBEZ** [likbe:z], *at,taryh.*Uly ýaşlylara we ýetginjeklere sowat öwredilen mekdep.

**LIMON** [limo:n], *at.* **1**.Hemişe gök öwüsýän, hasyl berýän sitrus agajy. **2**.Şol agajyň galyň gabykly, dilim-dilim görnüşli, turşumtyk tagamly miwesi.

◊ **Limon kislotasy** limonyň miwesinden we käbir beýleki ösümliklerden alynýan kislota.

**LIMONLY** [limo:nly], *syp.* Düzüminde limon garyndysy bolan; limon atylan. *Limonly çaý. Limonly suw.*

**LINGWISTIKA** [lingvi:stika], *at.* Dil hakyndaky ylym, dil bilimi.

**LIŇKILDEME** [liňkilleme], *iş ady.* Liňkildemek ýagdaýy.

**LIŇKILDEMEK** [liňkillemek], *işl.*Agsaklap, keýtikläp çalt-çalt ýöremek, liňk-liňk edip ýöremek.

**LIŇKILDETMEK** [liňkilletmek], *işl.*Agsaklap, keýtikläp çalt-çalt ýöretmek, liňk-liňk etdirip ýöretmek. *Ol bir aýagy agsak eşegini liňkildedip barýardy.*

**LIŇKILDEÝIŞ** [liňkilleýiş], *iş ady.* Liňkildemek ýagdaýy.

**LIRIK** [li:rik], *at.* Liriki eserleriň awtory, liriki şahyr. *Türkmen lirik şahyrlarynyň döredijiligi.*

**LIRIKA** [li:rika], *at.* Epos we drama bilen bir hatarda ceper edebiýatyň esasy üç görnüşiniň biri bolmak bilen, hakykat awrotyň çuňňur içki duýgularynyň üsti bilen şöhlelendirilýän şahyrana eser, şeýle görnüşdäki şygyr, goşgy. *Söýgi lirikasy. Halyl Kulyýewiň, Italmaz Nuryýewiň lirikasy.*

**LIRIKI** [li:riki], *syp.* Lirika degişli, irizme ýugrulan. *Liriki goşgy. Liriki poeziýa. Liriki setirler.*

◊ **Liriki yza cekilme** çeper eseriň, ýagny romanyň, powestiň, hekaýanyň we ş.m. sýužetiniň yzygiderli ösüşiniň arasy kesilip, awtoryň pikirlerini we duýgularyny aňladýan bölegi.

**LISEÝ** [lise:ý], *at.* Belli bir ugur boýunça bilim berýän ýörite orta okuw mekdebi.

**LITR** [li:tir], *at.* Metr ölçeg birliginde 1000 *kub.sm* barabar göwrüm we şol ölçegdäki suwuklyk. *On litr suw.*

**LITRLIK** [li:tirlik], **1**. *syp.* Içine bir litr suwuklyk sygýan. *Litrlik çüýşe.* **2**. Litrlik gap. *Litrligiň bolsa, çaly şona guýaýaýyn.*

**LITWALY** [litva:ly], *syp, ser.* **Litwalylar**. *Litwa respublikasy. Litwa dili. Litwa halky.*

**LITWALYLAR** [litva:lylar], *at.* Litwanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**LIWAN** [liva:n], *at, ser.* **Liwanlylar**. *Liwan halky.*

**LIWANLYLAR** [liva:nlylar], *at.* Liwanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**LOGALA** [loğolo], *at.* Un bilen däne garylyp tokgalanan iým. *Kakasy her düýäniň agzyna ep-esli logala tutdurdy* ("Garagum").

**LOGIKA** [lo:ğika], *at.* **1**.Pikirlenişiň kanunlary we görnüşleri hakyndaky ylym. **2**. Pikir yzygiderliligi.

**LOGIKI** [lo:ğiki], *syp.* Logika degişli, logikanyň kanunlaryna laýyk gelýän; kanunalaýyk.

◊ **Logiki basym** *dil.b.* aýdylyşda manysy boýunça esasy söze düşýän basym.

**LOH-LOH**, *s.ş.aňl.söz.* Ýogyn ses bilen gülnende çykýan sesler.

◊ **Loh-loh etmek** loh-loh edip agras gülmek. *Peşeneli ýaşuly şeý diýdi-de, loh-loh edip güldi* ("Edebiýat we sungat").

**LOKGA** [lokgo], *syp*. **1**. Bir tutuş bölek, tokga, togalak. *Lokga palçyk*. **2**. *göç. m*. Etli-ganly, semiz, doly, dolmaç. *Ol orta boýly, inedördül, ullakan kellesi iki egniniň üstüne boýunsyz berkidilen ýaly lokga adamdy* ("Garagum").

**LOKGALAMA** [lokgolomo], *iş ady*. Lokgalamak ýagdaýy.

**LOKGALAMAK** [lokgolomok], *işl*.Lokga-lokga etmek, bölüşdirip lokga etmek, tokga-tokga etmek, tokgalamak.

**LOKGALANMAK** [lokgolonmok], *işl*. Lokga tutmak, tokgalanmak.

**LOKGALAŞMAK** [lokgoloşmok], *işl*.Lokgalamaga kömekleşmek, tokgalaşmak. *Logala lokgalaşmak*.

**LOKGALATMAK** [lokgolotmok], *işl*. Lokga-lokga etdirmek, tokgalatmak. *Düýä bermek üçin logala lokgalatmak*.

**LOKGALAÝYŞ** [lokgoloýuş], *iş ady*. Lokgalamak ýagdaýy.

**LOKGA-LOKGA** [lokgo-lokgo], *syp*. Birnäçe lokgalara bölünen, lokga tutan, tokga-tokga (köp zat hakynda). *Ýaýmak üçin lokga-lokga hamyr bölünip goýuldy*.

**LOKGULDAMA** [lokgullomo], *iş ady*. Lokguldamak ýagdaýy.

**LOKGULDAMAK** [lokgullomok], *işl*. Lok-lok edip gülmek, ýogyn ses bilen gaty gülmek. *Hatda onuň diňe bir sözüne däl, hereketine çenli üns berýän başlyk ýogyn ses bilen lokguldap güldi* (B. Kerbabaýew).

**LOKGULDAŞMAK** [lokgulloşmok], *işl*.Bilelikde, köp bolup lokguldap gülmek.

**LOKGULDAÝYŞ** [lokgulloýuş], *iş ady*. Lokguldamak ýagdaýy.

**LOKGULDY** [lokgully], *at*. Lok-lok edip gülnende çykýan sesiň ady.

**LOK-LOK**, *s.ş.aňl.söz*. Ýogyn sesli gülnende çykýan sesler (*ser*. **Loh-loh**). – *Arman, saçyň irräk çalarypdyr-da – diýip, aýalyna degdi-de, lok-lok edip güldi* ("Garagum").

**LOKGY-LOKGY** [lokgu-lokgy], *at,gepl.d*., *ser*. **Nokgy-nokgy**. *Goýsana sen beri lokgy-lokgyňy, Gömül ýeriňe, az et hykgy-pykgyňy* (A. Kekilow).

**LOKURDAMA** [lokurdomo], *iş ady*. Lokurdamak ýagdaýy.

**LOKURDAMAK** [lokurdomok], *işl*.Lokur-lokur edip ses çykarmak, lokurdyly seslenmek. *Tokurtga lokurdap suw gidýärdi*.

**LOKURDATMAK** [lokurdotmok], *işl*.Lokur-lokur etdirmek, özüňe sorup, lokurdyly ses çykarmak. *Ullakan çilim elden-ele geçýär, her kim öz gezeginde lokurdadyp soryar* (A. Gowşudow).

**LOKURDAÝYŞ** [lokurdoýuş], *iş ady*. Lokurdamak ýagdaýy.

**LOKURDY**, *at*. Suw tokurtga ýa-da bir hine, deşige we ş.m. gidende çykýan sesiň ady.

**LOKUR-LOKUR**, *s. ş. aňl. söz*. Suw güýçli akyp, tokurtga, deşige ýa-da hine gidende çykýan sesler.

**LOM** [lo:m], *at*. Ýer işlerinde ýeri gazmak, daş goparmak we ş. m. üçin ullakan taýak ýaly ujy çiş demir. *Ýabyň düýbüniň buzuny lom bilen döwýärler* (B. Seýtäkow).

**LOMAÝ** [lomoý], *syp*.Köp sanda, köp mukdarda, tutuş, tutuşlaýyn, durşuna. *Lomaý söwda etmek*.

**LOMAÝLYGYNA** [lomoýluğno], *hal*. Lomaý görnüşde, tutuşlygyna, bitewüligine, tutuşlaýyn. *Lomaýlygyna söwda etmek*.

**LOŇK: loňk etmek** duran ýeriňden başga ýere ýeňil towusmak, bir ýerden ikinji ýere bökmek (guş hakynda). *Ol loňk edip eýläme geçdi, beýläme geçdi, iň soňunda meni ölüdir hasap etdi* (B. Kerbabaýew).

**LOŇK-LOŇK**, *s. ş. aňl. söz*. Maýdalyňa ylganyňda ýa-da bökübräk gaty ýöräniňde emele gelýän hereketiň şekili.

◊ **Loňk-loňk etmek***ser*. **Loňkuldamak**. *Ilki ýüzüni sallap, soň loňk-loňk edip, hojaýynyň alnynda dikilgazyk boldy* (A. Nazarow).

**LOŇKUDYK-LOŇKUDYK** [loňkuduk-loňkuduk], *s.ş.aňl.söz*. Eşegiň yzygiderli loňkuldap ýöreýşiniň bir görnüşi.

**LOŇKULDAMA** [loňkullomo], *iş ady*. Loňkuldamak ýagdaýy.

**LOŇKULDAMAK** [loňkullomok], *işl*. **1**. Loňk-loňk edip maýdalyňa ylgamak ýa-da bökübräk gaty ýöremek, loňkudyk-loňkudyk edip gitmek. *Bir gezek eline çekijini alyp, bir gezek gysajyny alyp, körügi bilen sandalynyň arasynda iki ýana loňkuldap ugrady* (A. Gowşudow). **2**. Arabanyň ýa-da haýsy hem bolsa bir ulagyň üstünde aşak-ýokary galyp, loňk-loňk edip oturmak. *Onuň göwnüne ol köp wagt bäri arabanyň üstünde loňkuldap gelýän ýalydy*. **3**. *göç. m*. Biriniň öňünden ylgamak, biriniň göwnünden turjak bolup çalyşmak, ýaranjaňlyk etmek. *Nogtaňy haýsy ýana silksem, senem şol tarapa loňkuldap gidersiň* (N. Pomma).

**LOŇKULDAŞMAK** [loňkulloşmok], *işl*. Köp bolup, bilelikde loňkuldamak. *Daýaw ýabylar bir sydyrgyn loňkuldaşyp barýardylar* (B. Gulow).

**LOŇKULDATMAK** [loňkullotmok], *işl*.Loňkuldyly sürmek, loňk-loňk etdirip ýöretmek. *Töweregine höwes bilen garap, agta ýabysyny loňkuldadyp barýardy* (G. Kulyýew).

**LOŇKULDAÝYŞ** [loňkulloýuş], *iş ady*. Loňkuldamak ýagdaýy.

**LOŇKULDAWUK** [loňkullowuk], *syp*. Loňkuldap ýöreýän, loňk-loňk edýän (at, eşek hakynda). *Loňkuldawuk ýaby*.

**LOŇKULDY** [loňkully], *at*.Maýdalyňa ylgananda ýa-da bökübräk gaty ýörelende emele gelýän hereketiň şekiliniň ady.

**LOPBUŞ**, *syp*. Semiz, ýasy, pökgi (ýüz hakynda). *Ol uzyn boýly, lopbuş ýüzli, garynlak, semiz adamdy* (G. Kulyýew).

**LORS**, *at*. Suwda ýaşaýan zähersiz ýogyn ýylan. *Kelpeze aýdarmyş: – Menem aždarha, Lors ýylan özüni saýarmyş ýuwha* ("Görogly").

**LOTEREÝA** [lotere:ýa], *at*. Bilet boýunça geçirilýän haryt, pul utuşly oýun.

**LOTULYK** [lotuluk], *at.* Lotynyň özüni alyp baryş ýagdaýy, lotynyň gylyk-häsiýeti.

◊ **Lotulyk satmak** bolgusyz eli açyklyk etmek, gopbamsyrap jomartlyk etmek.

**LOTY**, *at, gepl. d.* **1**. Iş edende haýal gymyldaýan, ýalta, hasy, äwmezek adam. **2**. *gepl. d.*Oturyp-turuşmagy oňat görýän; zadyny gaýgyrmaýan, jomart. *Ol göwnünden turan adamyň üstüne ak öý dikmegi başarýan loty.*

**LOWLAMA** [lowlomo], *iş ady.* Lowlamak ýagdaýy.

**LOWLAMAK** [lowlomok], *işl.***1.**Güýçli ýalyn döredip ýanmak, kemsiz ot alyp ýanmak, tutaşyp ýalynly ýanmak. **2**. *göç. m.* Gaty gaharlanmak, janyň ýanyp durmak. *Magtymgulynyň gany ot kimin gyzdy, ýüregi lowlap ýandy* (G. Kulyýew). **3**. *göç. m.* Gaty gyzdyrmak, gyzgynyň galmak. *Çaga uzyn gijäni ot içinde lowlap geçirdi.*

**LOWLAŞMAK** [lowloşmok], *işl.*Köp zat lowlap ýanmak. *Hyşalar lowlaşyp ýanýardy.*

**LOWLATMAK** [lowlotmok], *işl.* **1**. Lowlap ýanar ýaly etmek, güýçli ýakmak, gyzyl ot edip ýakmak. *Lowladyp ot ýakmak.* **2**. *göç. m.* Bir zadyň ýiti tagamy, ajysy güýçli täsir etmek, ýakmak. *Burç gaty ajy eken, agzymyň içini beýle lowladar öýtmändim.*

**LOWLAÝYŞ** [lowloýuş], *iş ady.* Lowlamak ýagdaýy.

**LOWURDAMA** [lowurdomo], *iş ady.*Lowurdamak ýagdaýy.

**LOWURDAMAK** [lowurdomok], *işl.* **1.** Güýçli lowurdyly ýanmak, uly ýalynly ýanmak, tutaşyp gaty ýanmak. *Lowurdap ýanyp duran oduň üstüne suw guýlan ýaly boldy.* **2**. Şöhle saçmak, öwşün atmak, nur saçmak, ýalpyldamak.

**LOWURDAŞMAK** [lowurdoşmok], *işl.* **1.** Bilelikde utgaşykly lowurdap ýanmak. *Çopan goşunda ýakylan otlar lowurdaşyp ýanýardy.* **2.** Öwşün atyşyp durmak, ýalpyldaşmak. *Lowurdaşyp düwmeler, uzaklardan görüner* (M. Seýidow).

**LOWURDATMAK** [lowurdotmok], *işl.* Bir zady lowurdar ýaly edip ýakmak. *Lowurdadyp göwher kimin çyrasyn, Birleşdirýär şäher, obaň arasyn* (N.Pomma).

**LOWURDAÝYŞ** [lowurdoýuş], *iş ady.* Lowurdamak ýagdaýy.

**LOWURDAWUK** [lowurdowuk], *syp.* Lowurdap, ýalpyldap, şöhle saçyp duran, öwşün atyp duran, ýiti ýalpyldyly.

**LOWURDY,** *at.* **1.** Lowurdap ýanýan oduň sesiniň ady. **2.** Ýaldyrap görünýän şöhle, ýalpyldy, öwüşgin. *Goý, ak altynyň lowurdysy biziň toýumyza-da bezeg bersin!* (B. Kerbabaýew).

**LOWUR-LOWUR,** *s. ş. aňl. söz.* Ot lowurdap ýananda çykýan sesler ýa-da ýiti öwüşginli zat ýalpyldap şöhle saçanda emele gelýän şekiller.

**LÖDERE** [lödörö], *at.* Suwuklygyň düýbüne çökýän çökündi. *Gazandaky lödere ýaga jazlanýan irimçik gara etleri demine dartasy geldi* (B. Kerbabaýew).

**LÖKGE** [lökgö]**,** *at, gepl.d.*Ýeňil maşyn.

**LÖKGEBAÝ** [lökgövo:ý], *at, gepl.d.*Ýeňil maşyn, lökge.*Çapak-çapak noguly, Seçip gidiň, ýar-ýar. Lögkebaýa mündürip, Geçip gidiň, ýar-ýar* ("Türkmen halk döredijiligi").

**LÖKÜDIKLEME** [löküdüklömö], *iş ady.* Löküdiklemek ýagdaýy.

**LÖKÜDIKLEMEK** [löküdüklömök], *işl.* Lökűdik-löküdik edip ýöremek, uly göwresini tagaşyksyz hem-de gelşiksiz hereketlendirip ýöremek, ylgaşlamak.

**LÖKÜDIKLEŞMEK** [löküdüklöşmök], *işl.* Köp bolup, bilelikde löküdiklemek. *Adamlar löküdikleşip, yzdan barýardylar.*

**LÖKÜDIKLETMEK** [löküdüklötmök], *işl.* Löküdik-löküdik edip ýöremäge ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**LÖKÜDIK-LÖKÜDIK** [löküdük-löküdük]: **löküdik-löküdik etmek** *ser.* **Löküdiklemek.**

**LÖŇK-LÖŇK: löňk-löňk etmek** *ser.* **Loňk-loňk.** *Löňk-löňk edip barmak.*

**LÖŇKÜLDEME** [löňküllömö], *iş ady.* Löňküldemek ýagdaýy.

**LÖŇKÜLDEMEK** [löňküllömök], *işl., ser.* **Loňkuldamak.** *Düýe gözleýän ýaly bolup, ol löňküldäp gelýän kim?* ("Garagum").

**LÖŇKÜLDEŞMEK** [löňküllöşmök], *işl.* Köp bolup, bilelikde löňküldemek.

**LÖŇKÜLDETMEK** [löňküllötmök], *işl.* Birini löňküldäp ýörär ýaly etmek.

**LÖŇKÜLDEÝIŞ** [löňküllöýüş], *iş ady.* Löňküldemek ýagdaýy.

**LÖŇKÜLDI** [löňküllü], *at, ser.* **Loňkuldy.**

**LÖP-LÖP: löp-löp etmek** agyr ýöremek, tagaşyksyz ýöremek, aýagyny göterip bilmeýän ýaly haýal ýöremek. *Ol iki ýana ýaýkanyp, löp-löp edip gelýärdi.*

**LÖT,** *at.* Üzümiň, käşiriň, almanyň we ş.m.suwy alnandan soň galýan galyndy.

**LUH I,** *syp.*Çendenaşa serhoş. *Ol luh bolup ýatyr.*

**LUH II**, *at, ösüml.d.*Ýekeniň başy, ýeken ösümliginiň ortasyndaky göni gamyşpisint çybygynyň başynda emele gelýän 20-25 *sm* uzynlykdaky ujy, tohumy.

**LUKMA** [lukmo], *at.* Bir agyz, bir ýuwdum, bir bölek, döwüm, tike (tagam, çörek). *Hemra diýer, gaýnap ýüregim joşmaz, Ataşy bolmasa, lukmasy bişmez* ("Saýatly – Hemra"). *Halal lukma ýagtylyk biýr gözlere* (Magtymguly).

**LUKMAN** [lukma:n], *at.* **1.** Adamlaryň keselini bejerýän ýokary bilimli hünärmen, hekim. **2.** Ady rowaýata öwrülen gadymy bilimdar tebip, hekim. *Tapsam, başym gurban bolsun mertlere, Lukman çäre tapsyn gelen dertlere* (Magtymguly). **3**. *göç.m.* Bir işe suwara, ussat, hötde gelip bilýän adam, başaryp bilýän adam. *Onda näme üçin: "Bu traktoryň lukmany mendirin" diýdiň?* (N. Pomma).

◊ **Maşgala lukmany** işleýän saglyk öýüniň ýerleşýän ýerinde öz adyna bellenen öýlerde ýaşaýan adamlara hyzmat edýän lukman.

**LUKMANÇYLYK** [lukma:nçylyk], *at.* **1.** Lukmanyň kesp-käri. *Ol obada lukmançylyk edýär.* **2.** Adamyň saglygyny gorap saklamaga we berkitmäge, onuň ýaşyny uzaltmaga hem-de keselleriň öňüni almaga we olary bejermäge gönükdirilen ylymlar hem-de amaly işler ulgamy, medisina. *Lukmançylyk hünärinde meni onuň aýratynlygy gyzyklandyrdy* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**LUMMURDAMA** [lummurdomo], *iş ady.* Lummurdamak ýagdaýy.

**LUMMURDAMAK** [lummurdomok], *işl.* **1.** Lummur-lummur edip sesli esremek (erkek hakynda). *Ýatakdaky erkek lummurdap başlady.* **2.***göç.m.* Lummur-lummur seslenmek, lummurdyly ses çykarmak; lokurdamak (suw, suw çilimi hakynda). *Başy serpinjekli mähnet çilim elden-ele gezdi, yzly-yzyna lummurdap seslendi* (B. Kerbabaýew).

**LUMMURDAŞMAK** [lummurdoşmok], *işl.* Köp erkek bilelikde lummurdap esremek. *Erkekdir inerler lummurdaşyp, guýruklaryny çyrpýardy.*

**LUMMURDATMAK** [lummurdotmok], *işl.* **1.** Lummurdyly esretmek. *Ol inerini lummurdadyp geçip gitdi.* **2.** Lokurdatmak, lummur-lummur etdirip ses çykartmak, lummurdyly seslendirmek (suwuklyk hakynda).

**LUMMURDY,** *at.* Erkek, iner esrände, suw gaty akanda we ş.m. çykýan sesiň ady. *Ýer bilen gök arasynda ýeke burunnygym bardy, onuň lummurdysyna guwanýardym* (B. Kerbabaýew).

**LUMMUR-LUMMUR: lummur-lummur etmek** dowamly lummurdyly ses çykarmak.

**LUTF**: **lutf etmek** (**eýlemek**) ýagşylyk etmek; kömek etmek; rehim etmek. *Dessury-zaman budur, mazlumlara lutf etgil* (Magtymguly).

**LUW,** *at, ser.* **Balyk**.

◊ **Luw ýyly** müçe hasaby boýunça bäşinji ýylyň ady. *Altmyş ýaşda nowruz güni luw ýyly, Turdy ajal, ýolun tutdy atamyň* (Magtymguly).

**LÜKGE** [lükgö], *at, gepl.d.* **1.** Topbak, tutuş, lomaý. *Toý üçin ýaglygy lükgesi bilen satyn aldym.* **2.** *ser.* **Lökge.**

**LÜKGELEME** [lükgölömö], *iş ady.* Lükgelemek ýagdaýy.

**LÜKGELEMEK** [lükgölömök], *işl.* Bir ýere toplamak, üýşürmek, jemlemek, ýygnamak. *Senem şujagaz zatlaryňy pul edipjik lükgeläýseň, bir zat bolar-da duruberer!* (A. Durdyýew).

**LÜKGELETMEK** [lükgölötmök], *işl.* Bir ýere toplatmak, üýşürtmek.

**LÜKGELEÝIŞ** [lükgölöýüş], *iş ady.* Lükgelemek ýagdaýy.

**LÜKGELIGINE** [lükgölüğnö], *hal.* Tutuşlygyna, şol durşuna, bütinleýin.

**LÜL,** *syp.* Alkogolly içgi içip serhoş bolan. *Lül bolmak.*

**LÜLE** [lülö],*at, ser.* **Turba**.

**LÜLEKEBAP** [lülökeva:p], *at.* Döwlen ýa-da üwelen ete duz, burç goşulyp, lüle şekilinde çişe düzülip, közüň howruna bişirilýän kebap.

**LÜLGAMMAR** [lülğammar], *syp.* Gaty serhoş, lül pyýan. *Lülgammar bolmak.*

**LÜŇ,** *at.* Ýer paýlaşygynda araçäge goýulýan bellik, gum üýşmegi. *Çukuryň bir gapdalynda beýijek lüň etdi* (A. Gowşudow).

**LÜŇLEME** [lüňlömö], *iş ady.* Lüňlemek ýagdaýy.

**LÜŇLEMEK** [lüňlömök], *işl.* Lüň basmak, lüň arkaly bölmek, lüň edip çykmak. *Giň meýdany lüňläp, iki böldüler* (A. Gowşudow).

**LÜŇLEŞMEK** [lüňlöşmök], *işl.* Lüň basmaga kömek etmek.

**LÜŇLETMEK** [lüňlötmök], *işl.* Lüň basdyrmak.

**LÜŞI** [lüşü], *at.* Agajy ülje agajyna, miwesi itüzüme meňzeş ösümlik

**LÜT: lüt bolmak** halys bolmak. *Olar uzynly gün gezýärler, lüt bolup ýadaýarlar (Halk ertekisinden).* **Lüt galmak** bar zadyňy utdurmak, utulmak. **Lüt düşmek** maddy taýdan tozmak, halys dagamak, hiç zatsyz galmak, bütinleý harjyň gutarmak. **Lütüň çykmak** gaty ýadamak.

**LÜTJEK** [lütjök], *at,gepl.d.*Nöker. *Lütjekleri serkerdeleriniň buýrugy boýunça biziň ellerimizi arkamyzda daňdylar* (A. Gowşudow).

**LÜTI** [lütü], *at, ösüml.d.*Jülgelerde ýere ýazylyp ösýän ot.

**LÜÝK,** *at.* Suwuk palçyk. *Ýagan ýagyşdan soň, köçe lüýk bolup ýatyrdy* (B. Kerbabaýew).

**LYBAS** [lyva:s], *at.* **1.** Egin-eşik, eginbaş, geýim. *Täze milli lybasa geýnen gelin-gyzlar toýa barýardy.* **2.***göç.m.* Bezeg, zynat. *Bu gün Aşgabat toý lybasyny geýip otyr.*

**LYGYRDAMA** [lyğyrdama], *iş ady.* Lygyrdamak ýagdaýy.

**LYGYRDAMAK** [lyğyrdamak], *işl.* Çala, ýuwaşja lygyr-lygyr edip seslenmek, lygyrdyly ses çykarmak.

**LYGYRDAŞMAK**[lyğyrdaşmak], *işl.* Oduň üstünde goýlan tüňçelerdäki, kitirlerdäki suw, atarylan nahar çalaja gaýnap durmak. *Tüňçeler lygyrdaşyp gaýnaýardy.*

**LYGYRDATMAK** [lyğyrdatmak], *işl.* Lygyrdyly seslendirmek. *Çekdirmäni lygyrdadyp, howlukman bişirmeli.*

**LYGYRDAÝYŞ** [lyğyrdaýyş], *iş ady.* Lygyrdamak ýagdaýy.

**LYGYRDY** [lyğyrdy], *at.* Suwuk ýa-da goýurak zat siňňin, ýuwaş gaýnadylanda çykýan sesiň ady.

**LYGYR-LYGYR** [lyğyr-lyğyr], *s.ş.aňl.söz.* Oduň üstünde goýlan tüňçelerdäki, kitirlerdäki suw, atarylan nahar çalaja gaýnap durka çykýan sesler.*Suwly tüňçe lygyr-lygyr gülende, Tüýdügini dolap goýdy ýaşuly* (M. Myşşyýew).

◊ **Lygyr-lygyr etmek** *ser.* **Lygyrdamak.***Lygyr-lygyr edip gaýnamak.*

**LYKYRDAMA,** *iş ady.* Lykyrdamak ýagdaýy.

**LYKYRDAMAK,** *işl.* Lykyr-lykyr edip seslenmek, lykyrdyly ses çykarmak. *Haçan-da küýzäniň agzyndan suw girip lykyrdamaga başlanda,*

*Tilki: – Gap sesiňi, öljegiňe gülýärmiň? – diýipdir* ("Türkmen halk ertekisi").

**LYKYRDAŞMAK,** *işl.* Bilelikde lykyrdamak.

**LYKYRDATMAK,** *işl.* Lykyrdyly seslendirmek. *Küýzäniň suwuny lykyrdadyp dökmek.*

**LYKYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Lykyrdamak ýagdaýy.

**LYKYRDY,** *at.* Suwuk zat agzy dar gapdan dökülende lykyr-lykyr edip çykýan sesiň ady.

**LYKYR-LYKYR,** *s.ş.aňl.söz.* Suwuklyk agzy dar gapdan ýuwaş dökülende çykýan ses.

**LYP-LYP**, *ser.* **Lyrp-lyrp**.*Çyra lyp-lyp edip öçjek bolýar.*

**LYRK-LYRK,** *s.ş.aňl.söz.* Bokurdagy dar küýzeden, çüýşeden suwuklyk dökülende çykýan ses.

**LYRP-LYRP,** *s.ş.aňl.söz.* Sönjek bolup duran çala ýanýan otdan ýa-da pelteli çyradan yzly-yzyna çykýan sesler, lyp-lyp.

**LYRPYLDAMAK** [lyrpyllamak], *işl.* Sönjek bolup duran çala ýanýan ot ýa-da pelteli çyra lyrp-lyrp etmek.

# M

**M,** Türkmen elipbiýiniň on bäşinji harpy.

**MADDA,** *at.* Fiziki we himiki jisimlerden ybarat barlyk, älem-jahanda bar bolan ähli zatlar. *Aýry-aýry görnüşdäki ösümlikler özünde reňkli maddalary saklaýar.*

**MADDA** [ma:dda], *at, hukuk.* Käbir kanun ýygyndylarynyň, resminamalaryň san bilen görkezilýän aýratyn bölegi.

**MADDY**, *syp.* Üpjünçilige, ykdysady ýagdaýa degişli. *Maddy hal-ýagdaý.*

**MADY-MADY**, *s.ş. aňl. söz, ser.* **Madyr-madyr**.

**MADYRDABERMEK** [madyrda:vermek], *işl.* Madyr-madyr edip başlamak, madyrdap ugramak, madyrdyly gürläp başlamak.

**MADYRDAMA,** *iş ady.* Madyrdamak ýagdaýy.

**MADYRDAMAK,** *işl.* Çalt-çaltdan ýogyn ses bilen gatyrak gürlemek.

**MADYRDAŞMAK,** *işl.* Madyr-madyr edip gürleşmek, birnäçe bolup madyrdamak. *Turuň, madyrdaşyp oturmaň!*

**MADYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Madyrdamak ýagdaýy.

**MADYRDY**, *at.* Çalt-çaltdan ýogyn ses bilen gatyrak gürlenende çykýan sesler.

**MADYR-MADYR**, *s.ş.aňl.söz.* Çalt-çaltdan ýogyn ses bilen gatyrak gürlenende çykýan sesler, wadyr-wadyr. *Indi madyr-madyr etmäňiz näme?*

**MAGALLAK** [mağallak],*at.* **1.** Beýik, belent, ýokary. **2.***kön.s.* Başaşak. *Magallakdyr tamakiniň imany, Niçe serpaý egin-başy gerekmez* (Zynhary).

**MAGALLAKLAMA** [mağallaklama],*iş ady.* Magallaklamak ýagdaýy.

**MAGALLAKLAMAK** [mağallaklamak],*işl.* Beýleki zatlardan ýokarda seleňläp görünmek, galgamak, belentde saýlanyp durmak.*Gadym bir döwürde bag-bakjasyz ýalazy meýdanda oturan şu obanyň ortarasynda haýbatly beýik gala magallaklaýardy* (A. Gowşudow). *Çakym çak bolsa, ortarada magallaklap görünýän jaý mekdep bolmaly* (R. Gelenow).

**MAGALLAKLAŞMAK** [mağallaklaşmak],*işl.* Köp sanly beýik zatlar bilelikde magallaklamak. *Onuň uka meýil eden gözüniň öňünde Köpetdagyň beýik gaýalary magallaklaşýardy* (A. Gowşudow).

**MAGALLAKLAÝYŞ** [mağallaklaýyş],*iş ady.* Magallaklamak ýagdaýy.

**MAGARYF** [mağa:ryf], *at.* Aň-bilim berijilik, aň-bilim. *Birinji sentýabrda-da mekdebiň dabaraly açylyşy boldy. Oňa raýondan, Aşgabatdan magaryf ugrunyň wekilleri geldi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**MAGARYFÇY** [mağa:ryfçy],*at, kön.s.* Magaryf işgäri, bilim işgäri.

**MAGAT** [mağat],*at.* Anyk, açyk, äşgär.

**MAGDAN** [mağda:n],*at,geol.* Düzüminde metallar, metallara meňzeş minerallar bar bolan gazylyp alynýan tebigy çig mal. *Magdan kärhanalary.*

**MAGDANÇY** [mağda:nçy], *at.* Magdan işleri bilen meşgul bolýan işçi, magdan senagatynyň hünärmeni. *Salam saňa, işçi naharhanasy, Magdançylaň duz-tagamyn dadaly* (B. Hudaýnazarow).

**MAGDANÇYLYK** [mağda:nçylyk],*at.* **1**. Magdan senagaty. **2**. Magdan işleri bilen meşgullyk.

**MAGLUM** [mağlu:m],*syp., ser.* **Mälim.** *Meňzeýir sen uny giden sanaja, Mojuklygyň maglum boldy Halaja* (Zynhary).

**MAGLUMAT** [mağlu:ma:t],*at.* **1.** Bir zat hakynda berilýän habar. **2**. Bir iş hakynda toplanan sanlar, deliller, tutaryk. *Ol gerekli maglumatlary tapmak ugrunda meşguldy* (A. Gowşudow).

**MAGLUMATLY** [mağlu:ma:tly],*syp.* **1.** Bir zat, iş hakynda habary bar bolan, habarly, habardar. **2.** Bir iş hakynda elinde ýeterlik delilleri bar bolan. **3.***göç. m., gepl.d.* Aň-düşünjeli, bilimli, köp zatdan habarly. *Ol her bir zatdan maglumatly adam.*

**MAGLUMATNAMA** [mağlu:ma:tna:ma],*at.* Belli hakyky maglumatlar ýazylýan sanaw. *Töleg maglumatnamasy.*

**MAGLUMATSYZ** [mağlu:ma:ssyz],*syp.* **1.** Hiç zatdan habarsyz, habar eşitmedik. **2.** Hiç hili ýeterlik delili, subutnamasy bolmadyk.

**MAGNIT** [mağni:t], *at.* Käbir demir we polat zatlary özüne çekýän we özünden itekleýän jisim.

◊ **Magnit meýdany** *fiz.* magnitiň ýa-da elektrik togunyň töwereginde özüniň täsirini jisime ýetirip bilerlik ýagdaýda döreýän giňişlik. *Eger simden elektrik togy geçýän bolsa, onda simiň töwereginde magnit meýdany döreýär*. **Magnit ýaly** *göç.m.* özüne çekiji.

**MAGNITLEMEK** [magni:tlemek], *işl.* Bir jisime magnitiň häsiýetini bermek. *Demri magnitlemek.*

**MAGNITOFON** [magnitafo:n], *at.* Elektromagnit usuly bilen sesi ýazmak we eşitdirmek üçin ýörite gural, enjam.

**MAGNIÝ** [ma:ğniý], *at.* Ak ýalynly lowlap ýanýan kümüşsöw-ak reňkli ýumşak hem ýeňil metal, himiki element.

**MAGRAÇ** [mağra:ç], *at, k.d.* Gök,asman. *Luw ýyly an hazret Magraja çykdy, Ol Semadan arslan ýüzügin aldy* ("Nejep oglan").

**MAGRUP** [mağru:p], *syp.* Meşhur, belli.

**MAGRUPLYK** [mağru:pluk], *at.* Meşhurlyk, bellilik. *Dostlar, dört gözeliň waspyn sözlesem, Dördüsi-de magruplykda bellidir* (Şabende).

**MAGRUR** [mağru:r], *syp., k.d.* **1.**Tekepbir, ulumsy. *Magrur olup, gezme ömrüň gülüne, Saralar sen bir gün hazan ýeline* (Magtymguly). **2.** Aldanan. *Magrur olma pany dünýä, Gezekli nobata meňzär* (Magtymguly).

**MAGRYP** [mağry:p], *at, kön.s.* Günbatar, Günüň ýaşýan, eňýän tarapy, aşak tarap. *Onuň husnunyň owazasy Kapdan Kaba, Magrypdan Maşryga, asmandan Zemine ýetişip, älem-jahana doldy* ("Zöhre – Tahyr").

**MAGŞAR** [mağşar], *at.* Kyýamat,ahyret. *Magşar güni bolmasaň sen maňa dalda, Ýa reb, niçik bolar halym şo günde* (Magtymguly).

**MAGŞUK** [mağşu:k], *at.* Ýigidiň söýýän gyzy, söýgülisi, aşyk gyzy. *Magşuk üçin çyn aşyklar, Hasratyndan kakmaç bolar* (Zelili).

**MAGŞUKLYK** [mağşu:kluk], *at.* Magşugyň ýagdaýy, magşuk bolmaklyk, magşugyň haly. *Aşyklykdan-magşuklykdan, Nuh döwründe dynan kempir, "Men adaglyň!" diýen bolup, Oýun salýaň aç başyma* (K. Gurbannepesow).

**MAGTABERMEK** [mağta:vermek], *işl. gepl.d.* Magtap, öwüp başlamak, taryp edip ugramak.

**MAGTALMAK** [mağtalmak], *işl., gepl.d.* Biri tarapyndan taryplanmak, öwülmek.

**MAGTAMA** [mağtama], *iş ady, gepl.d.* Magtamak ýagdaýy.

**MAGTAMAK** [mağtamak], *işl., gepl.d.* Gowy tarapyny aýdyp öwmek, taryp etmek, taryplamak. *Haryň işi hardyr, dostlar, Müň magtasaň, atça bolmaz* (Magtymguly).

**MAGTAMAKLYK** [mağtamaklyk], *iş ady, gepl.d.* Magtamak ýagdaýy.

**MAGTANÇ** [mağtanç], *at., gepl.d.* Öwgi, taryp. *Magtanjy göterinmek gerek.*

**MAGTANMA** [mağtanma], *iş ady., gepl.d.* Magtanmak ýagdaýy.

**MAGTANMAK** [mağtanmak], *işl., gepl.d.* Öz-özüňi öwmek, öwünmek, öz tarypyňy ýetirmek. *Magtanarlar ile "sopy men" diýip, Emma weli, gözlerinde nem bolmaz* (Zelili).

**MAGTANMAKLYK** [mağtanmaklyk], *iş ady, gepl.d.* Magtanmak ýagdaýy.

**MAGTANYŞ** [mağtanyş], *iş ady, gepl.d.* Magtanmak ýagdaýy.

**MAGTANYŞMAK** [mağtanyşmak], *işl., gepl.d.* Birnäçe bolup öwünmek, öwnüşmek. *Olara-a ýöne magtanyşyp otyrlar!*

**MAGTAW** [mağtow], *at., gepl.d.* Öwgi, taryp. *Sen onuň magtawyny ýetirdiň.*

**MAGTAWLY** [mağtowly], *syp., gepl.d.* Öwgüli, taryply. *Magtawly serkerdelerinden Şasepit serdaryny sansyz ýygyn bilen Çandybile ugratdy* ("Görogly").

**MAGTAÝYŞ** [mağtaýyş], *iş ady, gepl.d.* Magtamak ýagdaýy.

**MAGUN** [mağu:n], *at, gepl.d.* Wagon. *Ol oturan adamlaryň üsti bilen halkyň iň gymmatbaha dürdänelerini toplap, magun dolduryp alyp gidenine ol adamlar üns bermediler* (B. Kerbabaýew).

**MAH,** *ser.* **Mahaw**.

**MAH** [ma:h], *at, k.d.* Aý. *Arzymny diňlemez şahym, Batdy asmandaky mahym* (Magtymguly).

**MAHABAT** [maha:vat], *at.* **1.** Öwgi, taryp. *Obadaşlarynyň we şägirtleriniň bu aýdýan sözleri oňa ýönekeý bir howaýy mahabat däldi* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *ser.* **Reklama.**

**MAHABATÇY** [maha:vatçy], *at.* Öwüji, tarypçy, taryplaýjy.

**MAHABATLAMA** [maha:vatlama], *iş ady.* Mahabatlamak ýagdaýy.

**MAHABATLAMAK** [maha:vatlamak], *işl.* Öwmek, taryplamak; öwüp arşa çykarmak, dabaralandyrmak.

**MAHABATLANDYRMAK** [maha:vatlannyrmak], *işl.* Öwgüsini, tarypyny ýetirmek.

**MAHABATLANMAK** [maha:vatlanmak], *işl.* Öwulmek, taryplanmak; öwlüp arşa çykarylmak, dabaralandyrylmak.

**MAHABATLAÝYŞ** [maha:vatlaýyş], *iş ady.* Mahabatlamak ýagdaýy.

**MAHABATLY** [maha:vatly], *syp.* Öwgüli, taryply; haýbatly.

**MAHABATLYLYK** [maha:vatlylyk], *at.* Öwgülilik, taryplylyk; haýbatlylyk.

**MAHAL,** *at.* Ölçegi belli bolmadyk wagt, pursat; döwür, zaman.

**MAHAL-MAHAL,** *hal.*Käwagt, kämahal, wagtal-wagtal, aram-aram; käte. *Annagylyç mahal-mahal haýatyň üstüne çykyp oturardy* (B. Gulow).

**MAHAW** [mahow], *syp.* **1.** Agzyny öweldip ýören, aňkaw. *Sen-ä mahaw ekeniň, köpi görmänsiň* ("Edebiýat we sungat"). **2.** "Aňkaw, mahluk"manysynda nägilelik bilen aýdylýan söz.

**MAHAWLYK** [mahowluk], *at.* Mahaw halynda bolmak, agzyny öweldip ýörmeklik, aňkawlyk. *Mahawlyk etmedik bolsaň, beýle bolmazdy.*

**MAHBUP** [mahbu:p], *at, k.d.* Söýgüli ýar, magşuk. *Ýigidiň maksady: mahbup, ýarag, at, Il derdine namys getir bigaýrat* (Magtymguly). *Atdyr ýigidiň başdaşy, Bir jenan – mahbup ýoldaşy* (Magrupy).

**MAHLASY**, *giriş s.* "Gepiň gysgasy, umuman alanyňda" diýen manyny aňladýan söz.

**MAHLUK** [mahlu:k], *at.* **1.** Ynsan we ähli jandarlaryň umumy ady, ýaradylanlar. *Halk üçin häkim adalat eýlegeý, Barça mahluga şefagat eýlegeý* (Azady). **2.***gepl.d.* "Mahaw, aňkaw, samsyk, aňsyz" manysynda aýdylýan söz. *Dünýä gadryn bilmez nadan mahluk men, Akly gidip, başlar aglar halyma* (Magtymguly).

**MAHMAL**, *at.* **1.** Ýüzi tüýjümek, galyň, ýumşak, ýüpek ýa-da nah mata, halynyňka kybapdaş gytyk çitimleri ýüzüne çykan mata. **2**. Mahmaldan tikilen don. *Garaňky gije men golumy sundum, Bu golumga ildi mahmalyň çeti* (Mollanepes). **3.** Gyza dakylýan at.

◊ **Mahmal owaz** mylaýym, ýakymly ses. *Bagşynyň mahmal owazy.* **Mahmal rewolýusiýasy** gan döküşiksiz, düýpli garşylyksyz, asuda geçen öwrülişik. **Mahmal toprak** örän ýumşak, mylaýym ýer, toprak. *Aňyrsyna gözýetmez mahmal toprak küpürsäp ýatyrdy* (B. Kerbabaýew). **Mahmal ýaly** ýumşak, mylaýym; ýakymly. *Mahmal ýaly mylaýym meýdan.*

**MAHMALLYK,** *syp.* Don tikiner ýaly (mahmal).

**MAHRUM** [mahru:m], *syp.* Bir zada bolan erk-ygtyýary alnan, giden, ygtyýary bolmadyk, ygtyýarsyz. *Sen özüň, näme, söýgüden mahrummy?* (B. Kerbabaýew).

◊ **Mahrum bolmak** bir zada bolan erk-ygtyýary gitmek; isleg-meýlinden kesilmek.*Ol şol gije iýmek-içmekden, enesi bilen şirin-şirin sözleşmekden hem mahrum boldy* (B. Kerbabaýew). **Mahrum etmek** bir zada bolan erk-ygtyýaryny almak.

**MAHRUMÇYLYK** [mahru:mçuluk], *at, ser.* **Mahrumlyk.**

**MAHRUMLYK** [mahru:mluk], *at.* Bir zatdan erk-ygtyýarsyz galmaklyk, bir zada bolan ygtyýardan kesilmeklik.

**MAHSUS** [mahsu:s], *syp.* Häsiýetli, has, degişli, laýyk; mynasyp.

**MAHY** [ma:hy], *at.* Balyk. *Ahylarym, ahylarym, Suwda gezen mahylarym* ("Nejep oglan").

**MAHY-TABAN** [ma:hy-ta:va:n], *at.* **1**. Dolan Aý, nur saçýan Aý. *Eger görse, jemalyňny, nigärim, Uýalar gökdäki ol mahy-taban* (Gaýyby). **2**. *göç.m.* Ajaýyp, owadan, gözel. *Tagapyl eýläňler habar soralyň, Eý, mahy-tabanym, ýene geldiňmi?* (Halk aýdymyndan).

**MAKALA** [maka:la], *at.* Žurnallarda, gazetlerde, ýygyndylarda we ş.m. çap edilýän kiçi göwrümli ylmy ýa-da syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetli habar, ýazgy. *Bu deräniň gözelligini taryp etjek bolsaň, ýörite bir makala ýazmaly* ("Edebiýat we sungat").

**MAKET** [make:t], *at.* **1**. Jaýyň, zawodyň we ş.m. öňünden ýasalyp goýlan kiçi ölçegli nusgasy. **2**. Kitabyň, žurnalyň köpçülikleýin nesir edilmezinden öň ýasalan nusgasy.

**MAKRO** [ma:kyro]... "Uly, uly ölçegli" manyly sözleriň birinji düzüm bölegi.

**MAKROYKDYSADY** [ma:kyroykdysa:dy], *syp.* Makroykdysadyýet bilen baglanyşykly; makroykdysadyýete mahsus, oňa häsiýetli.

**MAKROYKDYSADYÝET** [ma:kyroykdysa:dyýet], *at.* Ykdysady ylmyň umumylaşdyrylan görkezijileriň esasynda ykdysadyýeti bitewüligine öwrenýän bölümi.

**MAKSAT,** *at.* **1.** Bir işi, arzuwy we ş.m. amala aşyrmak üçin edilýän matlap, niýet, maksat-myrat. **2.** Oglana dakylýan at.

**MAKSATDAŞ,** *syp.* Maksatlary bir meňzeş, bir maksatly, bir matlaply, niýeti bir.

**MAKSATLY,** *syp.* Maksady, arzuwy, niýeti bar bolan, belli bir maksada eýerýän. *Aýdan aýdyň maksatly meň Aýlarym* (B. Kerbabaýew).

**MAKSATLYLYK,** *at.* Maksady, niýeti barlyk, ýüregiňde bir matlap beslemeklik.

**MAKSAT-MYRAT** [maksat-myra:t], *at, ser.* **Maksat**

**MAKSATNAMA** [maksatna:ma], *at.* Geljekde amala aşyrylmaly döwlet ähmiýetli işleriň yzygiderli ýazgysy, durmuşa geçirilmeli milli, syýasy, ylmy, edebi, medeni, ykdysady çäreleriň beýany. *Maksatnama iş ýüzünde ýerine ýetirildi* ("Türkmenistan").

**MAKSATSYZ** [maksassyz]**,** *syp.* Maksady bolmadyk, maksady ýok, belli bir maksada gulluk etmeýän. *Manysyz, maksatsyz hereket üstünlik getirmez.*

**MAKSATSYZLYK** [maksassyzlyk]**,** *at.* Maksady, niýeti bolmazlyk, belli bir maksat tutmazlyk, maksady ýokluk, maksatly dällik. *Maksatsyzlyk işde eli sowuklyga eltýän zatlaryň biridir.*

**MAKUL** [ma:ku:l], *syp., hal.* Göwnejaý, dogry, ýerlikli, tassyklarlyk. *Ol meniň maslahatymy makul görüpdir* (H. Derýaýew).

**MAKULLAMA** [ma:ku:llomo], *iş ady.* Makullamak ýagdaýy.

**MAKULLAMAK** [ma:ku:llomok], *işl.* Makul bilmek, göwnejaý tapmak, dogry tapmak, ýerlikli hasaplamak, tassyklamak, oňlamak, goldamak. *Bu teklibi hemmämiz makulladyk.*

**MAKULLANMAK** [ma:ku:llonmok], *işl.* Biri tarapyndan makul bilinmek, makul tapylmak, tassyklanmak, oňlanmak. *Meýilnama dolandyryş edarasynyň ýolbaşçylary tarapyndan makullandy.*

**MAKULLATMAK** [ma:ku:llotmok], *işl.* Birine makul diýdirmek, makul bilinmegini gazanmak, oňlatmak. *Ol pikiri köpçülige makullatmak gerek.*

**MAKULLAÝYŞ** [ma:ku:lloýuş], *iş ady.* Makullamak ýagdaýy.

**MAL** [ma:l] **I,** *at.* **1.** Oba hojalygyndaky ownukly-irili haýwanlar, dowarlar we iri mallar. **2.** Küşdüň çöpleriniň umumy ady. *Küşdüň mallarynyň atlarynyň gelip çykyşy örän gyzyklydyr.*

◊ **Maldan el ýuwmak** malsyz galmak, maldan çykmak. **Mal doktory** *gepl.g.*weterinariýadan ýokary hünärli hünärmen. **Mal janly** mal saklamagy we ony idetmegi halaýan. *Türkmen halkynyň ata-babalary hem mal janly bolupdyr* ("Türkmenistan"). **Mal ýaly** nadan, üşüksiz, kütek.

**MAL** [ma:l] **II**, *at.* **1**. Birine degişli bolan haryt, önüm. **2**. Baýlyk, emläk. *Goç ýigit mal tapsa, hümmeti artar, Namart peýda tapsa, köňlün dar eýlär* (Magtymguly). *Bu dünýä maly diýip, geçmäň ýagşydan, Ýyrak otur muhabbetsiz kişiden* (Zelili).

**MALA [**ma:la**]**, *at.* **1**. Sürlen ýeriň ýüzüni tekizlemek we kesegini döwmek üçin öküze, ata ýa-da traktora tirkelip işledilýän agaç gural (esasan, topragy owradyp, tekizläp barýan mala hem-de boýuntyryga ýa-da traktora tirkelýän mala bolýar). Malanyň *dişli mala, dişsiz mala, borona* ýaly görnüşleri bar. *Soňra künde, boýunturuk, ýerdemir, mala hem-de beýleki şaýlary howlynyň ortasyna çykaryp, bir laý elden geçirdiler* (B. Seýtäkow). **2**. *zergärç.*Kümüş şaý-sep önümleriniň ýüzüne gyzyly birsydyrgyn çalmak üçin ujy ýasyja, agaç saplyja biz şekilli senet.

**MALAH** [malah], *at, k.d., ser.* **Çekirtge**. *Ol tygly malahdyr, jöwen ganymy, Gürlär, howa galar, sar sesin* aňsa (Zelili).

**MALALAMA** [ma:lalama], *iş ady.* Malalamak ýagdaýy.

**MALALAMAK** [ma:lalamak], *işl.* Mala basyp, ýeriň bejergi işlerini geçirmek.

**MALALAMAKLYK** [ma:lalamaklyk], *iş ady.* Malalamak ýagdaýy.

**MALALAMAZLYK** [ma:lalamazlyk], *işl.* Mala basmazlyk.

**MALALANMAK** [ma:lalanmak], *işl.* Mala basylmak, mala bilen tekizlenmek. *Sürlen ýerler malalandy.*

**MALALAŞMAK** [ma:lalaşmak], *işl.* Mala basmaga kömekleşmek. *Sürlen ýerleri malalaşmak.*

**MALALATMAK** [ma:lalatmak], *işl.* Birine mala basdyrmak. *Sürlen ýerler malaladylan bolsa oňat bolardy.*

**MALALAÝYŞ** [ma:lalaýyş], *iş ady.* Malalamak ýagdaýy.

**MAL-BAŞ** [ma:l-vaş], *at, ser.* **Mal-gara**. *Düşseň men guluň eline, Mal-başym hudaý ýoluna, Seni bermen ýüz geline* (Zelili).

**MALDAR** [ma:lla:r], *at.* Maldarçylyk bilen meşgullanýan adam. *Maldarlar mallary gyşlatmak işine göreldeli taýýarlandylar.*

**MALDARÇYLYK** [ma:lla:rçylyk], *at.* Oba hojalygynyň mal ösdürip ýetişdirýän pudagy. *Maldarçylyk hojalygy. Maldarçylyk instituty.*

**MALDAÝY** [ma:llaýy], *at.* Erşi 4 gara, 20 gyzyl, 2 ak we 20 gyzyl edilip ýüwürdilýän, argajy sap gyzyl ýüpekden kakylyp, tarada dokalýan çabytlyk ýüpek mata. *Olaryň eginlerinde täze sowsany köýnek, börükli kellelerine-de maldaýy çabyt atylgydy* (A. Gowşudow).

**MAL-GARA** [ma:l-ğara] *at.* Ownukly-irili öý haýwanlary. *Meret mal-gara seretmek işi bilen meşgul boldy.*

**MALIÝE** [ma:liýe], *at.* Halk hojalyk dolanyşygynyň düzüm bölegi hökmünde pul serişdeleri.

**MALIÝEÇI** [ma:liýeçi], *at.* Maliýe amallaryny ýöredýän hem-de maliýe ylymlaryndan hünärmen.

**MALIÝELEŞDIRME** [ma:liýeleşdirme], *iş ady.* Maliýeleşdirmek ýagdaýy.

**MALIÝELEŞDIRMEK** [ma:liýeleşdirmek], *işl.* Halk hojalygyny pul serişdeleri bilen üpjün etmek. *Kärhanalary maliýeleşdirmek. Nebit-gaz pudagyny maliýeleşdirmek.*

**MALIÝELEŞDIRMEKLIK** [ma:liýeleşdirmeklik], *iş ady.* Maliýeleşdirmek ýagdaýy.

**MALLANMAK** [ma:llanmak], *işl., gepl.d.,* Mal-gara edinmek, mally bolmak. *Pakyra aşna ýat bolar, Mallansa, ýat ýara döner* (Magtymguly).

**MALLY** [ma:lly], *syp.* **1.** Maly-garasy bar, eýeçiliginde ownukly-irili mal saklaýan (adam hakynda). *Mallylar howul-hara ýarar goşlaryny aldylar* (B. Kerbabaýew).**2.** *göç.m.* Baý, emläkli, mally-mülkli, barly-barjamly, gurply.

**MAL-MÜLK** [ma:l-mülk], *at.* Biriniň eýeçiligindäki bar zatlar, emläk, baýlyk, mal we ekerançylyk meýdany.

**MAL-MÜLKLI** [ma:l-mülüklü], *syp., ser.* **Mally 2.**

**MALSYZ** [ma:lsyz], *syp.* **1.** Maly ýok, ownukly-irili maly bolmadyk. *Ýelsiz gol bolmaz, malsyz – il* (Nakyl). **2.** Baýlyksyz, emläksiz, mal-mülksüz. *Ol malsyzlardan däldi.*

**MALSYZLYK** [ma:lsyzlyk], *at.* **1.** Ownukly-irili mal saklamazlyk, eýeçiliginde maly ýokluk. **2.** Barly-

barjamly dällik, mal-mülksüzlik. *Derwüşlere ýolsuzlygy, Ýigitlere malsyzlygy, Hudaýym aýalsyzlygy, Görkezmesin musulmana* (Magtymguly).

**MAMA** [ma:ma] **I,** *at.* **1.** Ejeň ejesini anladýan söz. – *Haly ata-babalarymyzyň, enelerimiziň, mama-larymyzyň ýüregine sygmadyk arzuwlarydyr* ("Türkmenistan"). **2.** Garry aýallara ýüzlenilende sylanyp aýdylýan söz. *Garry mama, geliň, men size ýer bereýin.* **3.** Gyza dakylýan at.

**MAMA** [ma:ma] **II**, *at.* Adamyň derisinde döreýän iriňli ýokanç ýara. *Soňabaka ýüzündäki mamanyň galdyran yzlary-da derden dolup, hünji ýalyjak bolup ýyldyraşyp başladylar* (B. Seýtäkow).

◊**Mama dişän (ýüz)** mama keseliniň çukurjyk-çukurjyk yzy galan (ýüz).

**MAMAMÇÖKÜLLIK** [ma:mamçöküllük], *ser.***Mamamçörek.**

**MAMAMÇÖREK** [ma:mamçörök], *at.* Mama-çörekler maşgalasyna degişli kiçijik tegelejik ak gülli, ýere ýazylyp ösýän ösümlik we onuň hasyly.

**MAMAMJÄJEK** [ma:mamjä:jek], *at.* Goýunlaryň agzynda döreýän kesel.

**MAMAMKÖKE** [ma:mamkö:kö], *at, ser.* **Mamamçörek.**

**MAMLA** [ma:mla], *syp., hal.* Dogry, dürs, hak, hakykata laýyk. *Dost – dost, mamla – rast* (Nakyl).

**MAMONT** [ma:mont], *at.* Demirgazyk ýarym şaryň tundrasynda ýasap, mundan birnäçe müň ýyl öň ölüp-ýitip giden pillere kowumdaş haýwan.

**MANAT,** *at.* **l.** Türkmenistanda hereket edýän pul birligi. **2.** Şol gymmatly kagyz ýa-da metal pul.

**MANATLYK,** *at.* **1**. Bahasy, nyrhy belli bir möçberdäki manada deň. *Bazardan otuz manatlyk üzüm, elli manatlyk garpyz alypdyryn, jemi sowan pulum segsen manada barýar.* **2**. Dürli gymmatlykdaky pul birligi. *On manatlyk. Ýüz manatlyk.*

**MANDALA** [mannala], *at.***Esasan, jalbar, balak tikilýän ýokary hilli ýylmanak galyň ýüň mata. *Arçyn mandala jalbarynyň dyzyny dyrmap, jambörügini ýaňy syrylan kellesiniň maňlaýyna süýşürdi-de, gürrüňe başlady* (B. Kerbabaýew).

**MANDARIN** [mandari:n], *at.* **1.** Günorta ýurtlarda bitýän hemişe gök salyp oturan sitrus agajy. **2.** Şol agajyň iýilýän miwesi.

**MANDOLIN** [mandali:n], *at.sazç.* Dört sany tarly, ýasy, ýarym aýlaw görnüşli çirtilip çalynýan saz guraly.

**MANDOLINÇI** [mandali:nçi], *at.* Mandolin çalýan sazanda.

**MANDY** [manny], *at.* Sürümde sürülmän galan dilkaw ýer, sürülmedik zolak. *Öz süren ýerinde mandy galyp-galmanyny seljerip bilmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**MANOMETR** [mano:me:tir], *at.* Gazyň ýa-da suwuklygyň basyşy ölçelýän gural. *Ýapyk gapdaky gazyň ýa-da buguň basyşyny ölçemek üçin manometrler ulanylýar.*

**MANSUR** [mansu:r], *at, k.d.* **1.** Ýeňiji, ýeňilmezek. **2.** Oglana dakylýan at.

**MANTY,** *at.*Ýuka ýaýylan hamyr börekden ulurak görnüşde kesilip, içine üwelen, kerçelen et, sogan ýaly zatlar salnyp bükülenden soň, ýörite ýasalan mantygazanda buglanyp bişirilýän nahar. *Taýýar bolan manty tabaga çykaryldy.*

**MANTYGAZAN** [mantyğa:zan], *at.* Manty bişirilýän ýörite gazan.

**MANTYK**, *at, kön.s*. Pikirlenişiň kanunlary hem-de görnüşleri hakyndaky ylym (*ser*. **Logika**).

**MANY** [ma:ny / ma:ny:], *at.* **1.** Bir zadyň akyl ýetirip bolýan içki mazmuny, paýhaslanmak, oýlanmak arkaly bir zatdan çykarylýan netije, sözüň, hereketiň maňzy, özeni. *Aňlabilmez söz manysyn seçmegen* (Magtymguly). **2.** *göç.m.* Oý, pikir. *Onuň düşbi gözlerinde many bardy.*

◊ **Mana düşmez 1)** aýdylýan, eşidilen zatdan netije çykarardan ýaş (çaga hakynda). **2)** aýdylan-diýlene akyly ýetmeýän, paýhasy kütek, nadan. *Diňe mana düşmez nadan adamlar, Ony gazanç hazynasy hasaplar* (M. Seýidow).**Many saçmak** manyly, pähimli geplemek. **Manysy bolmaz (ýok)** ýeňil amal edilýän, başarýan üçin etmesi kyn bolmadyk (iş hakynda). *Bular ýaly ýigidiň ýanynda işiň manysy boljak däl oguşýan* (R. Gelenow).

**MANYDAŞ** [ma:nydaş / ma:ny:daş], *syp.* Manylary meňzeş. *Manydaş sözler.*

**MANYLY** [ma:nyly / ma:ny:ly], *syp.* **1.** Manysy, mazmuny bar bolan, mazmunly, paýhasa-pähime eýe, özenli. *Ähli soraglaryna pähimli, düşnükli, manyly jogap gaýtardy* (B. Seýtäkow). **2.** Öwüt-nesihatly, täsirli, pikirli. *Onuň ýüregi manyly sözleriň hazynasy* (A. Gowşudow).

**MANYLYLYK** [ma:nylylyk / ma:ny:lylyk], *at.* **1.** Manysy, mazmuny barlyk, özenlilik. **2.** Öwüt-nesihatlylyk, täsirililik.

**MANYSYZ** [ma:nysyz / ma:ny:syz], *syp.* **1.** Mazmuny, manysy bolmadyk, mazmunsyz, maňyzsyz. *Gurt özüniň gürrüňini manysyz aýtmaýardy* (A. Gowşudow). **2.** Ähmiýetsiz, peýdasyz, biderek, täsirsiz. *Indi garşylyk görkezmek manysyz diýjek ýaly etdi* (A. Gowşudow).**3.** Hiç zat aňlatmaýan, biperwaý, sowuk-sala, hiç esassyz; ýöne. *Garry gür gaşlaryny ýokary göterdi, Täzegülüň ýüzüne manysyz seretdi* (B. Seýtäkow).

**MANYSYZLAŞDYRMAK** [ma:nysyzlaşdyrmak / ma:ny:syzlaşdyrmak], *işl.* Manysyny, mazmunyny, ähmiýetini kemeltmek, manysyny ýitirmek. *Munuň özi bolsa şol hadysalary ýoýmaklyga, manysyzlaşdyrmaga alyp barýar.*

**MANYSYZLAŞMA** [ma:nysyzlaşma / ma:ny:syzlaşma], *iş ady.* Manysyzlaşmak ýagdaýy.

**MANYSYZLAŞMAK** [ma:nysyzlaşmak/ ma:ny:syzlaşmak], *işl.* Many-mazmundan mahrum bolmak, manysyny, ähmiýetini ýitirmek.

**MANYSYZLYK** [ma:nysyzlyk / ma:ny:syzlyk], *at.* **1.** Manysy, mazmuny ýokluk, mazmunsyzlyk. *Hekaýanyň manysyzlygy.* **2.** Ähmiýetsizlik, peýdasyzlyk, täsirsizlik.

**MAŇ,** *at.* Dört ýaşyndaky goýun. *Käbir maňy bolsa guýrugyndan gop berip galdyrmaly* (B. Kerbabaýew).

**MAŇGYRSAK** [maňňyrsak] **I,** *at.* Dört ýaşdan ýokary geçen erkeç.

**MAŇGYRSAK** [maňňyrsak] **II,** *at.* Itüzümler maşgalasyna degişli köpýyllyk zäherli ösümlik.

**MAŇKA I,** *at, gepl.d.* Burundan gelýän goýy suwuklyk, sümük. *Ýeri how, maňkaňy oňaraňok weli, zol Gurban diýip dursuň-la!* (A. Durdyýew).

**MAŇKA II,** *at, maldarç.* Haýwanlara degýän ýokanç kesel. *Mallarda maňka, agsyl keselleri duş gelýär.*

**MAŇKALABERMEK** [maňkala:vermek], *işl.* Maňka keseli ýokuşyp başlamak.

**MAŇKALAMA,** *iş ady.* Maňkalamak ýagdaýy.

**MAŇKALAMAK,** *işl., maldarç.* Maňka keseli degmek, maňka keseli bilen kesellemek. *Goýunlaryň birnäçesi maňkalapdyr.*

**MAŇKALAMAKLYK,** *iş ady.* Maňkalamak ýagdaýy.

**MAŇKALAÝYŞ,** *iş ady.* Maňkalamak ýagdaýy.

**MAŇLAÝ,** *at.* **1**. Adamyň kellesiniň gaş bilen saçynyň, haýwanyň göz bilen şah çykar ýeriniň aralygyndaky ýer, alyn. *Maňlaýy bir garyş, bolsun at ýüzli, Tawus guş simaly, ütelgi gözli (Magtymguly).Ylaýta-da onuň giň maňlaýy, mydama ýylgyrmaga taýyn duran mylaýym ýüzi oňa ýarady* (B. Seýtäkow). **2**. Käbir zadyň öň ýüzi, alyn tarapy. *Jaýyň maňlaýyndaky mähnet sagadyň peýkamlary dokuza golaýlaýany üçin, tamyň ikinji gatyna çalasyn dyrmaşýardylar* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Bagt, ykbal, ýazgyt, täleý.

◊**Maňlaýa ýazylmak (çyzylmak)** geljegiň öňünden belli edilip goýulmak, täleýde bar bolmak. *Näme-de bolsa maňlaýa ýazylandyr, ondan gaçyp gutulmak bolmaz* (B. Seýtäkow). **Maňlaýdakyny görmek** ykbalyňa kaýyl bolmak, ýazgydyňa geleni başdan geçirmek. *Ahyry bolmasa, senem maňlaýdakyny gör* ("Görogly"). **Maňlaý deriňi saçmak** der döküp zähmet çekmek, köp işlemek. **Maňlaý işi** bagt, täleý, ýazgyt işi. *Aý, bu zatlar maňlaý işi-dä!* **Maňlaýy açylmak** biri bilen durmuş gurmak, bagtyň açylmak. **Maňlaýy gara** bagtsyz, işi şowuna düşmeýän, şor maňlaý. **Maňlaýy gaty** *ser.* **Maňlaýy gara. Maňlaýy kessir bermek** göni maňlaýyna urmak. **Maňlaýyna ýelmemek 1)** açyk aýtmak, diýmek, aýbyny, etmişini göni ýüzüne diýmek. **2)** bir zady gaharly eltip bermek, üstüne zyňmak. *Şol kagyzynam maňlaýyna ýelmäp gaýtsana!* **Maňlaýyndan çykmak** biri ýa-da bir zat duş gelmek, ýazgyda görä sataşmak, duçar bolmak (köplenç, durmuş gurmaly bolan äriň ýa-da aýalyň hakynda). **Maňlaýyndan diremek** kömeketmek, ýardam bermek, kyn günde goldamak, alnyndan diremek; kyn ýagdaýda hossar çykmak, hemaýat etmek. **Maňlaýyň ak (açyk) bolsun!** "bagtly bol, alnyň-bagtyň açyk bolsun" diýen manydaky alkyş. **Maňlaýyňa sylmak (sürtmek)** ýagşy niýeti, gowy zady özüň üçin arzuw etmek, "bize-de ýetirsin" diýen umytda bolmak. **Maňlaýyňa urmak** *ser.* **Maňlaýyňy ýumruklamak** – *Al gerek bolsa saňa! – diýip, maňlaýyna urdy-da, oturgyja özüni goýberdi* (H. Derýaýew). **Maňlaýyňy çytmak 1)** bir zada närazy bolmak, närazylyk bildirmek, razylaşman nägile bolmak. **2)** birzady kyn görmek. *Hakykatdan-da, şol sözi eşiden gelniň maňlaýy biraz çytylyp, gözleri buldurap göründi* (B. Kerbabaýew).**Maňlaýyňy diremek** hemaýat üçin bir ýere ýüz tutmak, goldaw bolar diýen umyt bilen bir ýere, biriniň ýanyna baryp synanyp görmek. **Maňlaýyňy ýumruklamak** bir zat üçin ökünmek, gaty gynanmak, ahmyr etmek, öz-özüňi köteklemek. **Maňlaýy şor** *ser.* **Maňlaýy gara**. *Ýöremedi, şum maňlaýym şor boldy* (M. Garryýew).**Maňlaýy ýok** bagtsyz, betbagt. *Aý, asyl meniň maňlaýym ýok eken!*

**MAŇLAÝLAK,** *syp.* Uly, giň we tüňňi maňlaýly. *Maňlaýlak adam.*

**MAŇLAÝLY,** *syp.* Işi ugur alýan, bagtly, bagty gelen, ýazgydy, täleýi gowy. *Ol bir maňlaýly adam.*

**MAŇLAÝLYK,** *at, zergärç. s.* Aýallaryň börüginiň ýüzüne dakynýan, ýüzüne gyzyl çaýylan kümüşden ýasalan, köplenç, üç, bäş, ýedi ... gaşly bezeg şaýy.

**MAŇLAÝLYLYK,** *at.* Işi şowlulyk, bagty gelenlik, bagtlylyk, oňat täleýlilik, ykbaly gowulyk. *Maňlaýlylyk hemme kişä ýetdirýän zat däl.*

**MAŇLAÝSYZ,** *syp.* Maňlaýy gara, bagtsyz, işi şow almaýan.

**MAŇLAÝSYZLYK,** *at.* Maňlaýy garalyk, bagtsyzlyk, işi şow almazlyk.

**MAŇ-MAŇ**, *s.ş.aňl.söz.* Sowuklap burnuň biteni üçin burnuňa salyp gepläniňde çykýan güňlejräk sesler.

◊ **Maň-maň etmek** *ser.* **Maňňyldamak.** *Näme maň-maň edip dursuň, gaty üşediňmi?*

**MAŇŇAL I,** *at.* Ot ýygmak üçin uzyn saply, ýüzi dişelmedik oba hojalyk guraly, çalgy, aňňal. *Maňňal bilen ot ýatyrmak.*

**MAŇŇAL II,** *at.* **1**. Bedre ýa-da bedre ýaly demir gabyň böwri deşilip, içi kerpiçlenip, suwalyp edilýän ojagyň bir görnüşi. *Maňňalda goýlan kitir lakyrdap gaýnady.* **2**. Çişlik bişirilýän ýörite enjam. **3**. *gepl.d.* Ullakan legen. **4**. Bugdaý, arpa ormak, ot ýatyrmak üçin ulanylýan uzyn saply dik durup orulýan oba hojalyk guraly, aňňalyň ulurak görnüşi. *Nury bolsa haýdap maňňalyny işledýärdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). *Muny çalgy, aňňaldyr maňňal bilen orup bolanokdy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**MAŇŇALÇA,** *at.* Kellesi uly, arkasy çypar, lakga balyga meňzeş kiçiräk balyk.

**MAŇŇYLDAMA** [maňňyllama], *iş ady.* Maňňyldamak ýagdaýy.

**MAŇŇYLDAMAK** [maňňyllamak], *işl.* Burnuň dykylyp, bir hili güňleç geplemek, sowuk degip, maň-maň etmek. *Näme maňňyldaýarsyň, sowukladyňmy?*

**MAŇŇYLDAMAKLYK** [maňňyllamaklyk], *iş ady.* Maňňyldamak ýagdaýy.

**MAŇŇYLDAÝYŞ** [maňňyllaýyş], *iş ady.* Maňňyldamak ýagdaýy.

**MAŇŇYLDY** [maňňylly], *at.* Sowuklap burnuňa salybrak güňleç sözleýiş ýagdaýy.

**MAŇRAMAZ,** *at.* Bäş ýaşyndaky goýun.

**MAŇYZ I**, *at.* **1.** Hoz, pisse, badam, erik we ş.m. şäniginiň içindäki tagamly, iýilýän ýagjymak özen. *Garpyz çigidiniň maňzy. Badam maňzy.* **2.** Çöregiň we ş.m. zadyň içki ýumşak bölegi. *Ol gyzgyn çöregiň maňzyny owmaç edinip iýdi.* **3.** *göç.m.* Many, mazmun, netije. *Ol gorkusyna gören we eşidenleriniň esasy maňzyny hemmä aýan etdi* (N. Saryhanow).

**MAŇYZ II**, *at, kön.s.* Beýni.

◊**Maňzyňa batmak (oturmak, dammak)** göwnüňe ýaramak, göwnüňe jaý bolmak, ýüregiňe jüňk bolmak. *Meniň bu sözlerim onuň maňzyna batan bolara çemeli.*

**MAŇYZLY,** *syp.* **1.** Içinde maňzy bolan. *Maňyzly şänik.* **2.** *göç.m.* Manyly.

**MAŇYZLY-MAÝALY** [maňyzly-ma:ýaly], *syp.* Goýazy, synasy ýerbe-ýer, dolmuş, göze doly. *Käwagt öz işi bilen daş çykyp-iç girýän, etli-ganly, maňyzly-maýaly, otuz bäş ýaşlar çemeli görmegeý aýal, edýän hereketleri bilen özüniň şu çagalaryň enesidigini aňladýardy* (A. Gowşudow).

**MAPRAÇ** [mapyraç], *syp.* Etli-ganly, dolmuş. *Göwüslek mapraç aýal Aýyň ýagtysyna altyn çaýylan egmesini ýalpyldadyp çykdy* (N. Pomma).

**MAR** [ma:r], *at, k.d.* **1.** *ser.* **Ýylan**. *Aždarhadyr, marlarydyr güwlener, Aýrak goç, ak maral munda suwlanar* (Misgingylyç). **2.** Köplenç, nusgawy edebiýatda gyzyň saçy ýylana meňzedilip ulanylýan şahyrana meňzetme. *Illere meşhur edip, indi gözden salypdyr, Çyn owsunjy-şahyrym, syýa saçy mar meni* (Zelili).

**MARAL,** *at.* **1.** Ene keýik ýa-da towşan. *Maral towşan.* **2.**Gyza dakylýan at.

**MARDOP** [mardo:p], *syp., gepl.d.* Goýy gyzyl-goňrumtyl reňk.

**MARGIR** [ma:rği:r], *at, k.d.* Ýylan tutýan adam, ýylançy. *Aşyk ýansa ol ýar üçin, Margir ýörse şamar üçin, Ýigitler namys-ar üçin, Ata çykar merdanadyr* (Magtymguly).

**MARKA** [ma:rka / marka], *at.* **1.** Poçta we beýleki käbir döwlet ýygymlarynyň töleg birligini görkezýän, ýüzi suratly we bahasy görkezilen kiçijik dörtburç kagyzjyk. **2.** Önümiň, harydyň ýüzüne onuň çykan ýerini, kärhanasyny, hilini we ş.m. görkezmek üçin ýelmenýän belgi. **3.** Ýewropa birleşiginde *ýewro* puluna geçilmezinden öň Germaniýada, Finlýandiýada hereket eden pul birligi.

**MARKALAMA**, *iş ady.* Markalamak ýagdaýy..

**MARKALAMAK**, *işl.* Bukjalara, önümlere marka ýelmemek, marka, belgi goýmak. *Önümleri markalamak.*

**MARKALAMAKLYK**, *iş ady.* Markalamak ýagdaýy.

**MARKALAÝYŞ**, *iş ady.* Markalamak ýagdaýy.

**MARS**, *at.* Göwrümi Ýeriň göwrüminiň altydan birine we massasy Ýeriň massasynyň dokuzdan birine golaý bolan, Günden uzaklygyna görä dördünji orunda ýerleşýän, seýrek atmosferaly planeta.

**MARŞ**, *at.***1**. Hatarda nyzam bilen ýöreýiş täri. *Ýaňlandy aýdymly saz, Hem marş bilen etdik ýöriş* (B. Kerbabaýew). **2**. Hatarda nyzam bilen dabaraly ýöreýiş äheňine sazlaşykly ýazylan saz eseri. *Orkestriň çalýan marşyna aýaklaryny goşup, gyzlar meýdançanyň bir çetinden girip ugradylar* (T. Gurbanow).

**MARŞAL** [ma:rşal], *at.* Ýokary goşun düzümindäki harby gullukçylara goşun generaly derejesinden soň berilýän harby at.

**MARŞALLYK** [ma:rşallyk], *at.* Marşalyň harby derejesi, ady.

**MARŞAW** [ma:rşow], *at, zergärç.* Kümşe meňzeş demirsöwak renkli garyndyly metal.

**MART**, *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň üçünji aýy. *8-nji mart gelin-gyzlaryň halkara baýramydyr.*

**MAS: mas ýüklemek** kän ýüklemek, ýeterlik basyp ýüklemek, ýükläbileniňi ýüklemek. *Her sapar Rahym ýylma atyny mas ýükläp gelende, Ýaban bir ölüp bilmezdi* (O. Ödäýew).

**MASGARA** [masğara], *syp.* **1.** Biabraý, abraýsyz, ile gülki, betnam, wejera. *Bu gürrüň Baharyň hem gulagyna ýeten bolsa, men masgaranyň hem masgarasy bolupdyryn* (A. Gowşudow).**2.** Uýalmaýan, bihaýa, utançsyz (adam).

◊ **Masgaranyň aýry mazary ýok** masgara bolmak ilde ýok zat däl.

**MASGARABAZ** [masğarava:z], *at.* **1.** Sirk hokgaçysy. *Sirkdäki masgarabazyň adamlary güldürmäge ökdedigini gören bolsaň, senem haýran galardyň.* **2**. *gepl.d.* Ýomak atyp ýören, oýunbaz, wäşi. **3**. *göç.m.* Masgaraçylykly hereketleri edýän. *Özüniň pitige mündürilendiginden we märeke, meýlis halkasynda masgarabaz hökmünde oýnadylýanyndan Pökgeniň habary ýokdy* (A. Gowşudow).

**MASGARABAZÇYLYK** [masğarava:zçylyk], *at, ser.* **Masgarabazlyk.**

**MASGARABAZLYK** [masğarava:zlyk], *at.* Masgarabazyň gylyk-häsiýeti; masgarabazyň ýagdaýy, hünäri, işi.

**MASGARAÇYLYK** [masğaraçylyk], *at, ser.***Masgaralyk.**

**MASGARALAMA** [masğaralama], *iş ady.* Masgaralamak ýagdaýy.

**MASGARALAMAK** [masğaralamak], *işl.* Birini masgara etmek, biabraý etmek, aýbyny ile ýaýmak, ile gülki etmek, abraýdan düşürmek.

**MASGARALAMAZLYK** [masğaralamazlyk], *iş ady.* Masgara etmezlik.

**MASGARALANMAK** [masğaralanmak], *işl.* Biri tarapyndan masgara edilmek.

**MASGARALATMAK** [masğaralatmak], *işl.* Birine özüňi ýa başga birini masgara etdirmek.

**MASGARALAÝYŞ** [masğaralaýyş], *iş ady.* Masgaralamak ýagdaýy.

**MASGARALYK** [masğaralyk], *at.* Ile gülkülik, abraýsyzlyk, abraýdan düşmeklik. *Beg aga, munça masgaralyk görmändik* (B. Seýtäkow).

**MASLAHAT**, *at.* **1**. Il-halk, döwlet derejesindäki meseleleri maslahatlaşmak, çözmek üçin geçirilýän uly ýygnak. *Ýaşulularyň Maslahaty.* **2**. Pikir alyşmak, bir meseläni çözmek üçin geçirilýän özara gürrüň, geňeş, sala. *Gysgajyk maslahatdan soň, bu ikisi bir karara geldi* (A. Gowşudow). **3.** Hökümetleriň, jemgyýetçilik, partiýa, ylmy we beýleki guramalaryň wekilleri tarapyndan dürli-dürli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak we çözmek üçin geçirilýän ýygnak. **4.** Öwüt, nesihat; görkezme.

◊ **Maslahat salmak (soramak)** bir iş hakynda birine akyl, nesihat sorap ýüz tutmak, sala salmak, geňeşmek.

**MASLAHATÇY,** *at.* Maslahat salynýan adam, maslahat berýän, geňeşilýän adam. *Göroglynyň maslahatçysy Sapar Märemdir* ("Görogly").

◊ **Maslahatçy ses** her hili meseleler ara alyp maslahatlaşylanda çözüji ses hukugy bolmadyk ses. *Maslahatçy ses hukukly wekil.*

**MASLAHATDAR** [maslahatda:r], *at, ser.* **Maslahatçy.** *Ol özüne ýakyn, mähriban, maslahatdar adamy tapdy* (N. Saryhanow).

**MASLAHATDAŞ,** *at, ser.* **Maslahatçy.** *Maslahatdaşlaryna Suhan gatynyň aýdan sözlerini ýeke-ýeke aýdyp berdi* (H. Derýaýew).

**MASLAHATLAŞMA,** *iş ady.* Maslahatlaşmak ýagdaýy.

**MASLAHATLAŞMAK**, *işl.* Meseläniň çözgüdi hakynda pikir alyşmak; biri bilen geňeş etmek, sala salyp pikir alyşmak. *Ondan soňra meniň-de maslahatlaşmaly işlerim bar* (B. Seýtäkow).

**MASLAHATLAŞYK,** *at.* Geçirilýän maslahat, geňeş, maslahat salynýan ýygnanyşyk.

**MASLAHATLAŞYKLY,** *syp., ser.* **Maslahatly.** *Näme diýerkä, näme diýse-de, aýaly bilen maslahatlaşykly bir zady diýer* (N. Saryhanow).

**MASLAHATLAŞYLMAK,** *işl.* Biri bilen maslahat edilmek, geňeşilmek.

**MASLAHATLAŞYŞ,** *iş ady.* Maslahatlaşmak ýagdaýy.

**MASLAHATLY,** *syp.* Maslahat, geňeş edilip, belli bir netijä gelnen, geňeşli, ylalaşykly. *Maslahatly biçilen don gysga bolmaz* (Nakyl).

**MASLAHATLYLYK,** *at.* Öňünden maslahatly bolmaklyk, geňeşlilik, maslahatsyz dällik. *Maslahatlylyk gowy zat.*

**MASLAHATSYZ** [maslahassyz], *syp.* Öňünden maslahat, geňeş edilmedik, geňeşsiz, köpçülik bolup çözülmedik. *Biz olardan maslahatsyz bir iş edäýsek, olar ömür boýy biziň ýüzümizi görmezler* (A. Durdyýew).

**MASLAHATSYZLYK** [maslahassyzlyk], *at.* Öňünden maslahat edilmezlik, geňeşsizlik, maslahatly dällik.

**MASLYK,** *at.* **1.** Ölen haýwanyň läşi; adamyň meýdi, jesedi. *Ol guşlar gelip, öküziň maslygyny iýipdirler* ("Türkmen halk ertekileri"). *Kelpezä ýuwutdyrmaz aždar maslygy* (Magtymguly). **2.***göç.m.* Köp ýatagan, ýalta. *Sen-ä bir maslyk ekeniň, düşekden turmany bileňok.*

**MASLYKÇY,** *at.* **1.** Maslyk iýýän guş. **2.** Maslyk iýýän uly guşlaryň umumy ady. *Haram ölen sygryň läşine maslykçylar üýşdüler.*

**MASSA** [ma:ssa], *at.* **1**. *fiz.* Materiýanyň häsiýetlerini kesgitleýän esasy häsiýetnamalaryň biri bolan fiziki ululyk. **2**. Hamyr görnüşli goýy jisim, bir zadyň goýy ýa-da ýarym suwuk garyndysy. *Şol ergine bolsa biz aýna massasy diýýäris* ("Edebiýat we sungat").

**MAŞAL,** *syp. gepl.d.* Ýüzi, maňlaýy ak (goýun hakynda). *Maşal goýnumyz ekiz guzlady.*

**MAŞGALA** [maşğala], *at.* **1.** Bir hojalykda ýaşaýan ene-atanyň we oguldyr gyzlaryň jemi, rysgaly bir adamlar. *Döwletli maşgala. Gurply maşgala.* **2.** Aýal adam, gyz, gelin. *Gapynyň agzynda özi ýaly maşgalanyň ýylgyryp duranlygyny görüp köşeşdi* (G. Kulyýew). **3.** Özbaşdak hojalyk, öý. *Obada iki sany dost maşgala ýaşaýardy* (A. Gowşudow). **4.** *göç.m.* Bir kärdäki adamlardan durýaň in ýakyn garyndaşlyk birleşigi. *Balykçylar maşgalasy. Mugallymlar maşgalasy.* **5.** *biol.* Haýwanlar we ösümlikler ulgamynda: gurluşlary boýunça meňzeş we gelip çykyşlary boýunça özara ýakyn birnäçe jynslaryň topary. *Pişikler maşgalasy.*

◊ **Maşgala gurmak** öýli-işikli bolmak, öýlenmek ýa-da durmuşa çykmak.

**MAŞGALABAŞY** [maşğalavaşy], *at.* Maşgala baş bolýan, maşgalanyň garamatyny çekýän, maşgalanyň eklenjini, abraýyny we ş.m. goraýan, maşgala jogap berýän adam.

**MAŞGALABAŞYLYK** [maşğalavaşylyk], *at.* Maşgalabaşynyň ýagdaýy, maşgalabaşy bolmak borjy.

**MAŞGALALY** [maşğalaly], *syp.* **1.** Ogully-gyzly, çaga-çugaly, öýli-işikli. *Ol agyr maşgalaly adam bolup gidipdir.* **2.**Aýally, öýlenen ýa-da durmuşa çykan.

**MAŞGALALYLYK** [maşğalalylyk], *at.* Maşgalasy barlyk, maşgalaly bolmaklyk (*ser.* **Maşgala: 1** we **2** manylary boýunça).

**MAŞGALASYZ** [maşğalasyz], *syp.* Maşgalasy ýok, maşgalaly däl (*ser.* **Maşgala: 1** we **2** manylary boýunça).

**MAŞGALASYZLYK** [maşğalasyzlyk], *at.* Maşgalasyz ýagdaýda bolmaklyk, maşgalaly dällik, maşgalasy ýokluk. (*ser.* **Maşgala: 1** we **2** manylary boýunça).

**MAŞK** [maşyk], *at.* Açyk howada ýerine ýetirilýän beden hereketleri.

◊ **Maşk etmek** beden hereketlerini ýerine ýetirmek.

**MAŞRYK** [maşyryk], *at, kön.s.* **1.** Gündogar, ýokary tarap, garşylykly manyly antonimi: magryp. *Magrypdan maşryga ýeten erenler, Aşyk magşugyna ýetişermikän?* ("Saýatly – Hemra"). **2.** Oglana dakylýan at.

**MAŞŞARMA,** *iş ady.* Maşşarmak ýagdaýy.

**MAŞŞARMAK,** *işl., gepl.d.* Agram düşüp ýepbeşmek, ýemşermek, maşşyk görnüşe geçmek.

**MAŞŞARMAKLYK,** *iş ady.* Maşşarmak ýagdaýy.

**MAŞŞARTMAK,** *işl., gepl.d.* Agram salyp, agramyňy atyp we ş.m. hereketler edip ýemşertmek; aşak çökermek. *Maşyn aşagynda galan tüňňüri maşşardypdyr.*

**MAŞŞARYLMAK,** *işl., gepl.d., ser.* **Maşşarmak**. *Bedre maşynyň tigriniň aşagynda galdy-da maşşaryldy.*

**MAŞŞARYŞ,** *iş ady.* Maşşarmak ýagdaýy.

**MAŞŞYK,** *syp.* Maşşaryp, ýemşerip duran, ýepbeşen. *Maşşyk burunly adam.*

**MAŞŞYKLYK,** *at.* Maşşyk, ýemşik bolmaklyk, ýemşiklik.

**MAŞYN** [maşy:n], *at.* **1.** Bir peýdaly işi amala aşyrýan çylşyrymly mehanizm ýa-da mehanizmleriň jemi. *Kir ýuwulýan maşyn. Gap ýuwulýan maşyn. Tikin maşyny.* **2.** *gepl.d.* Awtoulag. *Uçaryň ýanyna her tarapyndan birnäçe maşyn gelip daýanýar* ("Türkmenistan").

**MAŞYNLY** [maşy:nly], *syp.,hal.* **1**. Maşyny bar. *Maşynly öz maşynyna mündi.* **2**. *gepl.d.* Maşyna münüp, maşyn bilen, awtoulagly. *Ol Marydan maşynly gelipdir, otla münmändir.*

**MAŞYNKA** [maşy:nka], *at.* **1**. Hat ýazmak üçin ulanylýan mehaniki gural. *Maşynkada çap etmek.* **2**. Dellekçiniň saç bejeryän ýa-da syrýan guraly. *Maşynka bilen saç syrmak.*

**MAŞYNKAÇY** [maşy:nkaçy], *at.* Maşynkada hat ýazýan adam.

**MAT** [ma:t]: **mat bolmak 1)** ölmek, ýok bolmak. *Dostlarymyz şat bolsun, duşmanymyz mat bolsun* (Alkyş-dileg). **2)** intizar bolmak, gamly-gussaly bolmak. *Magtymguly zar aglapdyr mat bolup, Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla* (Magtymguly). **3)** küşt oýnunda: utulmak, ýatmak. **Mat etmek** (**eýlemek**) **1)** öldürmek, ýok etmek. *Gamgyn bolma gözel şahym, şol duşmany mat eýlär men* ("Görogly"). **2)** küşt oýnunda: utmak, şasyny ýatyrmak.

**MATA** [mata:], *at.* Geýim-gejim üçin dokalan ýüň, ýüpek, nah önüm. *Çäýnegiň bolsa her sapar içini-daşyny ýuwup, arassa mata bilen süpürmelidi* (B. Seýtäkow). *Onuň egninde ýüň matadan tikilen keltekçe, mahmal jiltge bardy* (G. Kulyýew).

**MATAL,** *at.* Türkmen halk döredijiliginde manysyny pikirlenip tapmaly soragly tapmaça.

◊ **Matal otarmak 1)** matal aýdyşyp, manysyny pikirlenip tapmak. *Hangulularyň öýlerine üýşerdik, erteki aýdyşardyk, matal otarardyk* (N. Saryhanow). **2)** ýerliksiz zatlary aýdyp oturmak, bolar-bolmaz zady samramak, takal okamak, biderek gürrüň edip wagt geçirmek. *Akmaýa, seniň söz urşuň matal otaran ýaly bir hili gümürtik* (B. Kerbabaýew).

**MATALYK** [mata:lyk], *syp.* Mata dokar ýaly, mata dokamak üçin gerekli. *Matalyk ýüplükler.*

**MATAM** [ma:tam], *at.* Ölüm-ýitim bilen baglanyşykly gynançly, gussaly ýagdaý, ýas. *Gandym awçynyň söýgüli agtygy Myradyň frontda dereksiz ýitendigi hakyndaky habar onuň maşgalasynyň ähli agzalaryny çuňňur matama batyrýar* (A. Gowşudow).

◊ **Matam tutmak (baglamak)** ýasly bolmak, gara geýnip ýas baglamak, ýas tutmak. *Matam tutup, gara geýnip, Urunma sen iki ýana* (Ç. Aşyrow).

**MATA-MARLAK** [mata:-marlak], *at. ser.* **Mata**. *Girdeji paýlananda mata-marlak hem-de gök önümler ýetdi* (A. Gowşudow).

**MATAMHANA** [ma:tamha:na], *at, k.d.* Ölüm-ýitimli, ýasly, matamly ýer, ýas tutulýan öý. *Bu köňlüm takat bermez matamhana saraýda* (Mollanepes).

**MATAMLY** [ma:tamly], *syp.* Ölüm-ýitimli, ýasly; ýas, matam tutýan. *Matamly ýagdaý. Matamly bolmak.*

**MATAMSARAÝ** [ma:tamsaraý], *at, k. d., ser.* **Matamhana.** *Bilerem, ezelden beýledir takdyr, Bu biwepa dünýe matamsaraýdyr* (Andalyp).

**MATEMATIKA** [matema:tika], *at.* **1.** Ululyklaryň, sanlaryň mukdar gatnaşygyny hem-de giňişlik görnüşlerini öwrenýän ylymlaryň jemi. **2.** Orta, ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan sapak, ders.

**MATEMATIKAÇY** [matema:tikaçy], *at.* Matematikadan hünärmen.

**MATERIAL** [matyrýa:l], *at.* Bir zat ýasamak üçin ulanylýan zatlar, çig mal. *Gurluşyk materiallary.*

**MATERIK** [materi:k], *at, geogr.* Daş-töweregini deňiz we ummanlar ýuwýan uly gury ýer giňişligi.

**MATERIÝA** [mate:riýa], *at, filos.* Älem-jahanda bar bolan ähli zatlar, jisimler.

**MATLAP,** *at, ser.* **Maksat.** *Aman aga sözümi böldi-de, öz matlabyny aýtdy* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk, 163 s.). – *Ol näme üçin oglum? – diýip, onuň matlabyny düşünmezlige saldy* (G. Kulyýew).

**MATLAPLY,** *syp., ser.* **Maksatly.**

**MATLAPLYLYK,** *at, ser.* **Maksatlylyk.**

**MATLAPSYZ,** *syp.,ser.* **Maksatsyz.**

**MATLAPSYZLYK,** *at, ser.* **Maksatsyzlyk.**

**MAW** [ma:w], *s.ş.aňl.söz.* Pişigiň mawlaýan sesi. *Pişik "maw" edip, çatmanyň agzyna geldi.*

**MAWARMAK** [ma:wormok], *işl.* Mawy reňke öwrülmek, mawy bolmak. *Asman mawaryp başlady. Asmanyň bulut syrylan ýeri mawaryp görünýärdi.*

**MAWARTMAK** [ma:wortmok], *işl.* Mawy reňke öwürmek, mawy reňk çalmak.

**MAWARYŞ** [ma:woruş], *iş ady.* Mawarmak ýagdaýy. *Asmanyň kem-kemden mawaryşyny synlamak gyzyklydy.*

**MAWLAMA** [ma:wlomo], *iş ady.* Mawlamak ýagdaýy.

**MAWLAMAK** [ma:wlomok], *işl.* "Maw-maw" edip seslenmek (pişik hakynda). *Pişik dogumlanýar, artýar hyýaly, Ol mawlap başlady, üýtgedi päli* (P. Körpäýew).

**MAWLAMAKLYK** [ma:wlomokluk], *iş ady.* Mawlamak ýagdaýy.

**MAWLAMAZLYK** [ma:wlomozluk], *iş ady.* Mawlap seslenmezlik.

**MAWLAŞMAK** [ma:wloşmok], *işl.* Ýerli-ýerden mawlamak, birnäçe bolup mawlamak. *Pişikler mawlaşýardylar.*

**MAWLATMAK** [ma:wlotmok], *işl.* "Maw-maw" etdirmek, "maw-maw" etdirip gygyrtmak. *Pişigi myncgap mawladyp oturmasana!*

**MAWLAÝYŞ** [ma:wloýuş], *iş ady.* Mawlamak ýagdaýy.

**MAWUJA** [ma:wujo], *at.* **1**. Deňiz suwlaryndaky kükürt kislotasynyň käbir duzunyň ady. **2**. Bejermek maksady bilen tene çalynýan ýasyl reňkli spirtli suwuklyk.

◊ **Mawuja basylan ýaly bolmak** bir zadyň güýçli täsirine çydaman, hereketi artmak. *Edil mawuja basylan ýaly diriň-diriň bökdüribermezmi?* (N. Pomma).

**MAWUMTYL** [ma:wumtul], *syp.* Çala mawy owüsýän (reňk hakynda). *Çala mawumtyl öwüsýän garamtyl gözleri enaýy oýnaýardy* (B. Kerbabaýew).

**MAWUMTYLRAK** [ma:wumtulura:k], *syp.* Mawumtyl reňke ýakynrak, mawumtyl öwüsýän.

**MAWUT** [ma:wut], *at.* Syk dokalan, ýüz tarapy tüýjümek galyň ýüň ýa-da ýarym ýüň mata. *Öýländen bäri elde tikilen küti mawut çäkmenini başyna büräp ýatan Seýdi çopan ukudan oýandy* (B. Gurbanow).

**MAWY** [ma:wy], *syp.* **1.** Ýiti açyk gögümtil reňkli. *Ak bulut, mawy asman, ýaşyl beýewan sazlaşýar* ("Türkmenistan"). **2.** Oglana dakylýan at.

◊ **Mawy ýangyç** ýangyç üçin ulanylýan tebigy gaz.

**MAÝ**, *at.* **1.** Belli bir wagt aralygy, salym, pursat. *Garaşyp oturmaga maý ýokdy.* **2.** Çeme, tagaşyk, maýaç. *Ol iki ýana urnup, özüniň gollaryny giň germäge maý gözleýärdi* (G. Kulyýew). **3**. Amatly ýagdaý, mümkinçilik.

◊ **Maý almak** pursat aramak, bat almak, çemelenmek. *Garawul hem ogryn basyp, tamyň düýbüni syryp, aralykdan boýnuny uzatjak adamyny peýläp, bir ädim ara goýup maý aldy* (A. Gowşudow**). Maý bermezlik** mümkinçilik bermän, öňüni böwetlemek, amatly ýagdaý, pursat döretmezlik. *Bahar oňa öwünmäge maý bermedi* (A. Gowşudow). **Maý tapmak** çemesini, amatly ýagdaýyny, pursatyny tapmak, wagt taýdan amatyna salmak. *Käýarym hem bilini ýazmaga maý tapdy* (R. Gelenow).

**MAÝ** [ma:ý], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň bäşinji aýy.

**MAÝA** [ma:ýa] **I,** *at.* **1.** Bugradan gaýan, arwanadan bolan inen düýe. *Kyrk ýyl maýa gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin* (Mollanepes). *Bahar bolsa çarwadarlar çykarlar, Otlagynda ner-maýalar bakarlar* (Misgingylyç). **2.** "Gyzym, köşegim" manysynda *maýam* görnüşinde aýdylýan söz. **3.** Gyza dakylýan at.

◊ **Maýa ýaly (dek)** owadan, görmegeý, etli-ganly aýal maşgala. *Orta ýaşly, gara saç, Salyhatly, mähirli, Maýa ýaly bir aýal* (O. Täçnazarow). **Maýa oty** dermanlyk ösümlik.

**MAÝA** [ma:ýa] **II,** *at.* Köpeltmek üçin goýulýan gor, tygşytlanan pul, emläk, baýlyk.

◊ **Maýa goýujy** maýa goýum taslamalaryna maýa goýumlaryny goýmagy amala aşyrýan ýuridik ýa-da fiziki şahs. **Maýa goýumlary** telekeçilik işiniň hem-de başga görnüşdäki işleriň obýektlerine goýum edilip goýulýan, şonuň netijesinde hem peýda alynýan ýa-da durmuş ähmiýetli netije gazanylýan emläk, oňa intellektual gymmatlyklaryň ähli görnüşi hem degişlidir.

**MAÝA** [ma:ýa] **III,** *at.* Towugyň guzlaýan ýerini üýtgetmezligi, hürri guzlamazlygy üçin ketegine atylýan ýumurtga. *Ketege maýa atmak.*

**MAÝA** [ma:ýa] **IV,** *at.* Gönezlik, hamyrmaýa ýaly turşadyjy, aldyryjy jisimler, maddalar.

**MAÝA** [ma:ýa] **V,** *at.* Bir zadyň düýp özeni, esasy. *Hemme zadyň maýasy saglyk.*

**MAÝA** [ma:ýa] **VI,** *at.* Dyrnagyň et bilen bile birleşýän ýeri. *Tiken dyrnagymyň maýasyna urupdyr.*

**MAÝAÇ,** *at, ser.* **Maý**.– *Olaryň birini maýaja getirendirin – diýip goýberdi* (A. Gowşudow).

**MAÝADAR** [ma:ýada:r], *at.* **1**. Uly baýlygy, mülki, köp puly bar adam, uly mal, pul eýesi. **2**. Maýa goýýan, maýa ýatyrýan pul eýesi (adam, bank we ş.m.). *Daşary ýurtly maýadarlar.*

**MAÝADARLYK** [ma:ýada:rlyk], *at.* **1**. Uly maýa eýesiniň ýagdaýy. **2**. Maýa goýmaklyk, maýa goýmak işi.

**MAÝADÄNE** [ma:ýadä:ne], *at.* Atanak güllüler maşgalasyna degişli ösümlikleriň bir urugy.

**MAÝAK** [maýa:k], *at.* Uçarlara, gämilere we ş.m. ýol salgy bermek üçin ses, ýagtylyk, radiotolkunlar arkaly duýduryş beriji serişdeler bilen abzallaşdyrylan enjam. *Soňra şol ýerde maýak gurlupdyr, boýy ýüz metr* (A. Atajanow).

**MAÝALY** [ma:ýaly] **I,** *syp.* Mally-mülkli, emläkli, pully, barly, gory bar bolan.

**MAÝALY** [ma:ýaly] **II,** *syp.* Maýa, gönezlik, hamyrmaýa ýaly zatlar goşulan.

**MAÝALYK** [ma:ýalyk] **I,** *syp.* Maýa hökmünde goýlan (pul, goýum).

**MAÝALYK** [ma:ýalyk] **II,** *syp.* Towugyň ketegine atmak üçin niýetlenen (ýumurtga).

**MAÝALYK** [ma:ýalyk] **III,** *syp.* Ajatmak, turşatmak üçin niýetlenen (gönezlik, hamyrmaýa ýaly zatlar).

**MAÝALYLYK** [ma:ýalylyk], *at.* Maýasy barlyk, barjamlylyk, gorluluk.

**MAÝAPETIR** [ma:ýapeti:r], *syp.* Hamyrmaýa goşulan, emma doly aldyrylmadyk hamyrdan ýüzi dürtülip bişirilýän tamdyr çörek.

**MAÝASYZ** [ma:ýasyz] **I,** *syp.* Malsyz-mülksüz, pulsuz, emläksiz, gory bolmadyk.

**MAÝASYZ** [ma:ýasyz] **II,** *syp.* Maýa, gönezlik, hamyrmaýa atylmadyk.

**MAÝASYZLYK** [ma:ýasyzlyk], *at.* Maýasy, gory ýokluk.

**MAÝDA,** *syp.* Kiçi, ownuk, uşak. *Maýda daşlar.*

◊ **Maýda gezer** atyň ýöreýşiniň bir görnüşi. *Artyk atyny maýda gezerine sürüp, yzyna garanjaklaýardy*

(B. Kerbabaýew).**Maýda söwda** lomaý däl söwda, harytlaryň az-azdan satylýan söwdasy, ownuk söwda.

**MAÝDA-ÇÜÝDE** [maýda-çüýdö], *syp.* Ownuk-uşak, bölek-büçek. *Maýda-çüýde zat.*

**MAÝDAÇYL,** *syp., gepl.d.* **Ownukçyl**. *Maýdaçyl adam.*

**MAÝDAL,** *hal.* **1.** Adamyň, haýwanyň kadaly hereket ýagdaýy, aram, aralyk tizlikdäki asuda hereket; howlukman, arkaýyn. *Alaşanyň başyny öz maýdalyna goýberip, hemmäniň öňünden barýardy* (B. Seýtäkow). **2**. Hereketiň, wakanyň gidiş, baryş derejesi, depgini. *Öňki maýdal bilen gidip, sürümi, döküni güýçlendirip, ýokary hasyl almak hakynda pikir edýärdi.*

**MAÝDALAMA,** *iş ady.* Maýdalamak ýagdaýy.

**MAÝDALAMAK**, *işl.* **1.** Bir zady bölek-bölek etmek, kiçi böleklere bölmek, owratmak, uşatmak. *Çagly maýdalamak.* **2.** *göç.m.* Owratmak, ownutmak, hyrdalamak, bölmek (iri pul hakynda).

**MAÝDALAMAKLYK,** *iş ady.* Maýdalamak ýagdaýy.

**MAÝDALAMAZLYK,** *iş ady.* Böleklere bölmezlik, owratmazlyk.

**MAÝDALANMAK,** *işl.* Ownuk, uşak, bölek görnüşe getirilmek, böleklere bölünmek.

**MAÝDALAŞMAK,** *işl.* Birine maýdalamaga kömekleşmek.

**MAÝDALATMAK,** *işl.* Birine bitin zady böldürmek. *Iri puly maýdalatmak.*

**MAÝDALAWJY** [maýdalowjy], *at, mat.* Tutuş bir sanyň näçä deň bölünýändigini görkezýän san.

**MAÝDALAÝYŞ,** *iş ady.* Maýdalamak ýagdaýy.

**MAÝDA-MAÝDA: maýda-maýda bolmak** çym-pytrak bolmak, kül-uşak bolmak, bölek-bölek bolmak. **Maýda-maýda etmek** bölek-bölek etmek.

**MAÝKA** [ma:ýka], *at.* Köýnegiň içinden geýilýän ýeňsiz içki geýim.

**MAÝLAMA,** *iş ady.* Maýlamak ýagdaýy.

**MAÝLAMAK,** *işl.* **1.**Maýyl bolmak, ýylamak, maýyllyk aralaşmak. *Howa maýlady.* **2**.*göç.m.* Gowulyk bolmak, rahatlyk aralaşmak, keýpiň göterilmek, göwnüň açylmak. *Sen ýylgyrsaň, bütin jahan maýlaýar, Gaşyň çytsaň, gyş gamçysyn aýlaýar* (M. Seýidow).

**MAÝLAMAZLYK,** *iş ady.* Howa maýyl bolmazlyk, maýylganlyk aralaşmazlyk.

**MAÝLANMAK,** *işl.* Maý almak, çemelenmek, amatly pursat, wagt aramak. *Ol mazaly maýlanyp, soňra onuň üstüne bökdi.*

**MAÝLAŞMAK,** *işl.* Maýyl bolup başlamak, dura-bara maýlamak. *Howa indi birneme maýlaşýar.*

**MAÝLAÝYŞ,** *iş ady.* Maýlamak ýagdaýy.

**MAÝMYN,** *at.* **1.** Bedeniniň gurluşy boýunça adama meňzeşräk, jeňňellikde, tokaýda ýaşaýan süýdemdiriji haýwan. **2.** *gepl.d.* Betgelşik, maýmynpisint adam.

◊ **Maýmyn ýaly** çalasyn hereket edýän, alyp-ýolup barýan, bir minut hem dek durmaýan, ýyrtyjy ýaly (adam hakynda).

**MAÝMYNLYK,** *at.* Maýmyna meňzeşlik, maýmyn ýalylyk. *Maýmynlygyňy etmesene.*

**MAÝOR** [maýo:r], *at.* Kapitandan soňra berilýän harby at.

**MAÝORLYK** [maýo:rluk], *at.* Maýoryň gulluk wezipesi; maýor derejesi.

**MAÝRYK,** *syp.* Belli bir sebäbe görä aýagyna, ýanbaşyna, biline şikes ýeten, maýyp bolan, maýrylan, maýtyk (adam, haýwan we ş.m. hakynda).

**MAÝRYKLYK,** *at.* Maýryk ýagdaýda bolmaklyk, maýrygyň ýagdaýy. *Maýryklygy oňa goldaşmaga-da mümkinçilik bermeýärdi.*

**MAÝRYLMAK,** *işl.* **1.** Agyr zähmetden, keselden ýa-da başga zatdan aýagyňa, biliňe zeper ýetip maýryk bolmak. **2.***göç.m.* Agyr durmuş, gaýgy, gam-gussa sebäpli saglygyňy ýitirmek. *Nätsin, ömür hemrasyndan aýryldy, Aglaý-aglaý dert astynda maýryldy* (G. Gylyjow).

**MAÝRYŞ,***iş ady.* Maýyrmak ýagdaýy.

**MAÝSA,** *at.* **1.** Başlamadyk galla ekinleriniň körpe gök ösümligi, heniz başlamadyk arpa-bugdaý. *Gök maýsalar gowy boý alyp, birgeňsi penjeläp otyr* ("Türkmenistan"). **2.** Gyza dakylýan at.

**MAÝSALYK,** *at.* Ýaş arpa-bugdaý gögerip oturan meýdan, başlamadyk ak ekinlik ýer. *Ol ýazyň sap howasyny demine darta-darta, gök maýsalyga göz gezdire-gezdire, öz ýanyndan göwün ýüwürtdi* (B. Kerbabaýew).

**MAÝŞARMAK,** *işl.* Üstüne düşýän agyr ýük sebäpli egilmek, maýyşmak, agyrlykdan ýegşermek. *Eşek näçe daýaw bolsa-da, uzak ýolda agyr ýük astynda maýşarýardy.*

**MAÝŞARTMAK,** *işl.* Aşak maýyşdyrmak, agram salyp ýegşertmek. *Agyr ýük ony maýşartdy.*

**MAÝŞARYLMAK,** *işl.* Maýşyp ýegşerilmek.

**MAÝTYK,** *syp.* Ýörände aýagyny süýräp alýan. *Maýtyk goja. Maýtyk göle.*

**MAÝTYKLAMAK,** *işl.* Maýtyk-maýtyk edip ýöremek, ýörände aýagyny süýräp almak. *Aýagyna ot basylan ýaly bolup, togalanyp galdy-da, işige garşy maýtyklap ugrady* (H. Derýaýew).

**MAÝYL,** *syp.* Sowuk däl, ýyly, mylaýym, aram (howa hakynda). *Toý güni howa maýyl boldy.*

**MAÝYL** [ma:ýyl], *hal.* Birine ýa-da bir zada meýilli, biriniň ýa-da bir zadyň höwesinde bolan, höwesgäri bolan. *Owaldan maýyldym bir ýagşy ada, Neýläýin, ýetmedim maksat-myrada* (Zynhary).

**MAÝYLGANLYK** [maýylğanlyk], *at.* Maýyl howa. *Togsan dolup, daş-töweregi maýylganlyk gurşap aldy. Şähere gitjek bolsaň, maýylganlykda gitmeli ekeniň.*

**MAÝYLLYK,** *at.* Sowuk dällik, ýylylyk, mylaýymlyk, aram ýagdaýda bolmaklyk (howa hakynda). *Howanyň maýyllygy meýdan işlerini ýenilleşdirdi.*

**MAÝYLLYK** [ma:ýyllyk], *at.* Birine ýa-da bir zada maýyl bolmaklyk, biriniň ýa-da bir zadyň ýesiri bolmaklyk.

**MAÝYP** [ma:ýyp], *syp.* Kesellilik ýa başga bir sebäpden synasyna zeper, şikes ýetip, işden-güýçden galan. *Arap maýyp atynyň ýanyna geldi* ("Görogly").

**MAÝYPÇYLYK** [ma:ýypçylyk], *at, ser.* **Maýyplyk.**

**MAÝYPLYK** [ma:ýyplyk], *at.* Maýybyň hal-ýagdaýy, işe ýarawsyzlyk, synasy şikeslilik. *Dursun iki bäsdeşden Garýagdyny saýlapdy, emma agyr ýara, maýyplyk Garýagdyny umytsyzlyga salýardy* (H. Ysmaýylow).

**MAÝYP-MÜJRÜP** [ma:ýyp-müjürüp], *syp.,ser.* **Maýyp.**

**MAÝYRMA,** *iş ady.* Maýyrmak ýagdaýy.

**MAÝYRMAK,** *işl.* **1.**Agyr zähmet, kesel ýa-da başga zat sebäpli aýagyna, biline zeper ýetirmek, maýryk etmek. **2.***göç.m.* Agyr durmuş, gaýgy, gam-gussa sebäpli saglygyna zeper ýetirmek, sandan çykarmak.

**MAÝYŞGAK** [maýyşğak], *syp.* Aňsatlyk bilen eplenip, bükülip, iki ýana ýaýkanyp bilýän, döwülmezek, çeýe, ýaý berýän.

**MAÝYŞGAKLYK** [maýyşğaklyk], *at.* Maýyşgak ýagdaýda bolmaklyk, maýyşgak häsiýetlilik, çeýelik.

**MAÝYŞMAK,** *işl., ser.* **Maýşarmak.**

**MAZA** [maza:], *at.* **1.** Bir zatdan alynýan lezzet, keýpi-sapa, hezillik, eşret. *Seniň mazaňy bermez bagyň engury, dilber* (Mätäji). **2.** Bir zat bilen baglanyşykly ýüze çykýan ynjalyk, dynçlyk, rahatlyk. *Öň sorkuldap mazamy alar durardy, indi janym hezil edinäýdi* (B. Pürliýew).

◊ **Mazasy gaçmak 1)** bir ýeriň, ýurduň ýa-da bir zadyň ugry, gyzygy, lezzeti gaçmak, erbetleşmek. *Ötdi aýralyk yzasy, Gaçdy Hywanyň mazasy* (Zelili). **2)** biriniň bir zat sebäpli ugry bolmazlyk, sussy peslik etmek, keýpi uçmak, ynjalygy gaçmak. **Mazasy ýokluk 1)** bir zadyň ugry ýokluk, gowy dällik, ýaramazlyk. *Bu ýyl howaň mazasy ýok* ("Edebiýat we sungat"). **2)** saglyk taýdan ugry ýokluk, sagat dällik, ýaramazlyk, hezili ýokluk, ynjalygy ýokluk. *Syrkawyň soňky günler mazasy ýokdy.*

**MAZALY** [maza:ly] **I,** *syp.* **1.** Maza, lezzet berýän, şypaly, sapaly, eşretli. *Kaddy şemşat erur serwi mysaly, şekerden her sözi, belki, mazaly* (Şabende). **2.** Oňat, gowy, asylly, edep-ekramly. *Annaguly içinden: "Öz-ä mazaly maşgala ekeni" diýip, gaýta-gaýta syn etdi* (A. Durdyýew). **3.** Tagamly, süýji. *Lebleri şekerden mazaly geldi* (Magtymguly). **4.**"Oňat boldy", "hernä" ýaly manylarda ulanylýan giriş sözi. *Mazaly, özüň geläýdiň.*

**MAZALY** [maza:ly] **II,** *syp.* Bir kemsiz, ýeterlik, düýpli, doly. *Mazaly pikir et. Irgözin ýatyp, mazaly ukymy alypdyryn.*

**MAZALYJA** [maza:lyja], *at, ser.* **Mazaly.** *Onsoňam Abadana gezek gelende mazalyja gürlegin* (T. Gurbanow).

**MAZALYLYK** [maza:lylyk], *at.* **1.** Mazasy barlyk, lezzetlilik, şypalylyk, sapalylyk, eşretlilik. *Howanyň mazalylygy onuň göwnüni göterýärdi.* **2.**Oňatlyk, gowulyk, asyllylyk, edep-ekramlylyk. **3.** Tagamlylyk, süýjülik.

**MAZAM** [ma:zam], *at.* Güjeňleme, magtama.

**MAZAMLAMA** [ma:zamlama], *iş ady.* Mazamlamak ýagdaýy. *Sen ony mazamlama kemini goýmadyň.*

**MAZAMLAMAK** [ma:zamlamak], *işl.* Köplenç, başga kişide bolman, özünde bar zady taryplamak, öwüp arşa çykarmak arkaly güjeňlemek. – *Ýagşy gül, ýagşy gül – diýip, güllerini mazamlaýar* (N. Pomma).

**MAZAMLANMAK** [ma:zamlanmak], *işl.* Köplenç, başga kişide bolman, özüňde bar zat taryplanmak, öwlüp arşa çykarylmak arkaly güjeňlenmek.

**MAZAMLAŞMAK** [ma:zamlaşmak], *işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden mazamlamak.

**MAZAMLATMAK** [ma:zamlatmak], *işl.* Bir zady birine öwdürmek, taryp etdirmek.

**MAZAR** [maza:r], *at.* Ýogalan adamyň jesedi jaýlanan ýer; gubur, gonam. *Biz mazardaky bu ýazgyny gaýta-gaýta okadyk* (A. Nazarow).

**MAZARÇYLYK** [maza:rçylyk], *at.* Ölen adamlaryň jesetleri jaýlanýan ýer; gonamçylyk, öwlüýä. *Ol yzlar mazarçylygyň içi bilen dolanyp, obanyň demirgazyk çetindäki uly köçä baryp girdi* (A. Gowşudow).

**MAZARLYK [**maza:rlyk]. *at, ser.* **Mazarçylyk.**

**MAZARYSTAN** [maza:ryssa:n], *at, ser.* **Mazarçylyk.** *Öten aýyň içinde bir mazarystanlykdan geçdiňmi?* ("Görogly").

**MAZASYZ** [maza:syz], *syp.* **1.**Ýaramaz, keýpsiz-sapasyz, lezzetsiz.*Başyny galdyrman barşyna mazasyz dünýäni näletleýärdi* (G. Kulyýew).**2.** Ugursyz, bolgusyz, ýakymsyz, durnuksyz. *Ol bir mazasyz adam eken.* **3**. Tagamsyz, süýji däl.

**MAZASYZLYK** [maza:syzlyk], *at.* **1.** Mazasy ýokluk, mazaly dällik, bolgusyzlyk. **2.** Lezzetsizlik, şypasyzlyk.

**MAZLUM** [mazlu:m], *at, kön.s.* **1**. Zulum çekýän, ezilen, kemsidilen, zuluma sezewar bolan, horlanýan, garyp; ýuwaş. *Dessury-zaman budur, mazlumlara lutf etgil* (Magtymguly).

**MAZMUN** [mazmu:n], *at.* **1.** Bir zadyň– ýazgynyň, eseriň we ş.m. esasy manysyny düzýän gysgaça beýany. *Hatyň mazmuny. Hekaýanyň mazmuny.* **2.** *ser.* **Many.**

**MAZMUNLYLYK** [mazmu:nluluk], *at.* Baý mazmuny barlyk, çuň mazmuna, mana eýelik.

**MAZUT** [ma:zu:t], *at.* Nebitden benzin, kerosin, gazolin gaýtadan işlenip alnandan soň galýan ýagjymak galyndy.

**MAZUTLY** [ma:zu:tly], *syp.* Mazut garyndyly, düzüminde mazut bolan.

**MAZY [**ma:zy], *at.***1**. Hoşboý ysly, togalak, çala bildirýän çyzmykly, sary, kiçijik kyrkgünlüge meňzeş ysgalýan dessemmaýa. *Dogry ol ilki-ilkiler gözüme mazy ýaly yslyja, bägül ýaly owadanja göründi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Gowy görlüp aýdylýan söz, eýjejik. *Ýeri, mazyjygym, sen bu ýerde näme işleýärsiň!* (B. Pürliýew).

**ME,** Bir zady bermek, hödürlemek üçin "al" diýen manyda aýdylýan ümlük. *Me, saňa hat!* (A. Durdyýew).

◊ **Me saňa gerek bolsa** gördüňmi, nähili bolup çykdy (duýdansyzlykda, garaşylmazdan ýüze çykan waka, ýagdaý hakynda aýdylýar). *Me saňa gerek bolsa, indi tä gaý ýatynça garaşmaly bolduk.*

**MEBEL** [me:bel], *at*. Stol, stul, şkaf, diwan ýaly içerde goýulýan öý goşlary.

**MEÇEW** [meçöw]**: meçew bermek** gylaw bermek, birini götergiläp, başga biriniň üstüne küşgürmek, öjükdirmek, gižželemek.

**MEDAL** [meda:l], *at*. Işde, okuwda, sportda özüni görkezen adama ýa-da bir taryhy sene mynasybetli sylag berilýän, ýüzi ýazgyly, şekilli, metaldan ýasalan nyşan. *Onuň döşüni "Gaýrat" medaly bezeýär.*

**MEDENI,** *syp*. **1.** Medeniýete degişli. *Bu ýerde ýaşlaryň arasynda medeni işleri geçirmäge ähli mümkinçilikler bar.* **2.** *göç.m.* Ýabany däl, ekilip ösdürilip ýetişdirilýän. *Medeni ekinler.*

◊**Medeni zona 1**) ekin ekilýän, özleşdirilýän ýer. **2**) oturymly ýerler.

**MEDENIÝET** [medenýet], *at*. **1**. Adamzadyň önümçilikde, jemgyýetçilik we ruhy durmuşynda aň-düşünjelilik bilen gazanan üstünlikleriniň jemi. **2**. Haýsy hem bolsa bir hojalyk pudagynyň ýa-da akyl işiniň ösüş derejesi. *Ýer işleriniň medeniýeti. Dil medeniýeti.* **3**. Nusga bolup galan ýörelge, kabul edilen kada-kanunlar.

◊ **Medeniýet ojagy** medeniýetiň gülläp ösýän ýeri. **Medeniýet öýi** her hili medeni-köpçülik çäreleri, işleri geçirilýän ýörite jaý.

**MEDENIÝETLEŞDIRMEK** [medenýetleşdirmek], *işl.* Medeniýeti ornaşdyrmak, medeniýetli etmek. *Olar çagany zamana görä terbiýelemek, aň-bilim bermek, medeniýetleşdirmek isleýärler* (B. Kerbabaýew).

**MEDENIÝETLEŞMEK** [medenýetleşmek],*işl.* Medeniýetli bolmak,düşünjeliligi, medeniýeti artyp başlamak.

**MEDENIÝETLI** [medenýetli], *syp.* **1**.Medeni, ylmy derejesi ösen, medeni durmuşy ýokary, medeniýete eýe bolan. *Medeniýetli halk.* **2**. Edep-ekramly, terbiýeli, sypaýy. *Medeniýetli ýigit.*

**MEDENIÝETLILIK** [medenýetlilik], *at.* Medeniýetli bolmaklyk (*ser.* **Medeniýetli: 1** we **2** manylary boýunça).

**MEDENIÝETSIZ** [medenýessiz], *syp.* **1**.Medeni, ylmy derejesi ösmedik, medeni durmuşy pes. **2**. Edep-ekramsyz, terbiýesiz, sypaýyçylyksyz. *Medeniýetsiz adam.*

**MEDENIÝETSIZLIK** [medenýessizlik], *at.* Medeniýetli dällik, medeniýeti ýokluk (*ser.* **Medeniýetsiz: 1** we **2** manylary boýunça) *Medeniýetsizligimiz üçin welin sag bol aýtmazlar* (A. Nazarow).

**MEDET,** *at,* **1**. Kömek, goldaw, kuwwat, ýardam. *Düýä "haýt" diýmek hem medetdir*(Nakyl). *Bir ejiz men, kim eşider bu dadym? Meger, medet berse pirim, ussadym* (Mollanepes). **2.** Oglana dakylýan at.

**MEDETKÄR** [medetkä:r], *at, k.d.* Kuwwat, güýç, kömek beriji. *Görogly aýdar ýa jepbar, şahymerdan bol medetkär* ("Görogly").

**MEDETKÄRLIK** [medetkä:rlik], *at, k.d.* Medet berijilik, kömek, güýç berijilik.

**MEDISINA** [medisi:na], *at, ser.* **Lukmançylyk 2**. *Köpden bäri lukmançylyk bilen meşgullanmaýandygyma garamazdan, häzirkizaman lukmançylygyndaky özgerişlikler, medisina tehnologiýalary bilen tanşyp durmagy dowam etdirýärin* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**MEDIWAN** [meduwa:n], *at, gepl.d.* Myhmany kabul edýän öý eýesi.

**MEDIWANLYK** [meduwa:nlyk], *at, gepl.d.* Mediwanyň ýagdaýy.

**MEDRESE** [medirese], *at.* Musulmanlaryň orta we ýokary bilim berýän dini mekdebi; şol mekdebiň jaýy.

**MEGER** [meğer], "Belki", "ähtimal", "ahmal","mümkin", "megerem" ýaly many aňladýan ugrukdyryjy söz. *Älemi ýandyrar bilbiliň zary, Meger, bäs eýlemiş gyzyl gül bile* (Kemine).

**MEGEREM** [meğerem], *ser.* **Meger.** *Megerem, bize bu gün enem geler.*

**MEGES** [meğes], *at, k.d., ser.* **Siňek**. *Bu eýýamda deň bolupdyr, Meges, peşe pil biläni* (Zelili).

**MEHANIK** [meha:nik], *at.* Maşynlaryň, mehanizmleriň işleýşine, bejerilişine esewan bolýan, mehanizmlerden başy çykýan hünärmen.

**MEHANIKA** [meha:nika], at. Fizikanyň jisimleriň giňişlikdäki hereketini öwrenýän bölümi.

**MEHANIKI** [meha:niki], *syp.* Mehanizmler arkaly hereket edýän.

**MEHANIZM** [meha:nizim], at. Maşynlary, enjamlary herekete getirýän içki gurluşlar.

**MEHANIZMLEŞDIRME** [meha:nizimleşdirme], *iş ady*. Mehanizmleşdirmek ýagdaýy.

**MEHANIZMLEŞDIRMEK** [meha:nizimleşdirmek], *işl.* Zähmetiň el bilen işlenýän serişdelerini mehanizmler we maşynlar bilen çalyşmak, adamyň dürli ugurlarda alyp barýan işine tehniki serişdeleri ornaşdyrmak.

**MEJAL** [meja:l], *at.* Ysgyn, güýç-kuwwat, ragbat.*Gelene garşy çyk, bolsa mejalyň, Ýagşy tutawergil niýetiň-päliň!* (Magtymguly). *Nurgeldiniň bolsa urnup-urnup, ysgyny gidip, agzy-burny gurap, geplemäge mejaly galmandyr* (A. Durdyýew).

**MEJALSYZ** [meja:lsyz], *syp.* Mejaly bolmadyk, güýçsüz, kuwwatsyz, gurpsuz, ragbatsyz. *Ukusyzlykdan bolsa gerek, gojanyň kellesi güwläp, başy aýlandy, özüni mejalsyz duýdy* (O. Ödäýew).

**MEJALSYZLYK** [meja:lsyzlyk], *at.* Mejaly ýokluk. *Ol aýalynyň sagat däldigini, mejalsyzlygyny bilýär* (G. Kulyýew).

**MEJBUR** [mejvu:r], *hal.* Çykgynsyzlyk, bialaçlyk, alaçsyzlyk, çäresizlik, çykalgasyzlyk sebäpli döreýän ýagdaý.

◊ **Mejbur etmek**bir hereketi, işi mejbury suratda etdirmek. *Onuň bu sözi myhmany oýlanmaga mejbur etdi* (B. Pürliýew).

**MEJBURLYK** [mejvu:rluk], *at.* Mejbury bolmaklyk, alaçsyz, çäresiz, çykgynsyz ýagdaýda bolmaklyk.

**MEJBURY** [mejvu:ry], *syp.* Hökmany, çäresiz, alaçsyz, çykalgasyz ýagdaýda. *Mejbury iş.*

**MEJBURYÝET** [mejbu:ryýet], *at, k.d.* Mejbury, hökmany ýagdaý, zerurlyk. *Hamana diýeli, mejburyýet hem bolman, ýönekeý – size şeýle hödürleýäris diýilse, şoňa nähili gararsyňyz?* (B. Kerbabaýew).

**MEJIME,** *at.* Üstünde nahar goýmak üçin ullakan ýalpak gap.

**MEJLIS** [mejli:s / mežli:s], *at.* **1.**Ýurduň iň ýokary kanun çykaryjy edarasy, guramasy, parlamenti. **2.** Edaranyň ýa-da guramanyň, kärhananyň bir meseläni ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen geçirýän ýygnagy, maslahaty. **3.** *ser.* **Meýlis.** *Birniçe deň-duş ýigitleri Hemra bilen bir mejlisde saz-söhbet edip oturar erdiler* ("Saýatly – Hemra"). *Magtymguly aýdar, ýigitler başy, Mejlisde köp bolar onuň syrdaşy*(Magtymguly).

**MEJLISLIK** [mejli:slik / mežli:slik], *syp.* Mejlise degişli, dahylly, mejlisde ara alyp maslahatlaşmaga degişli. *Bu mesele diňe mejlislik meseledir, ony ýeke bolup çözmek bolmaz.*

**MEJNUN** [mejnu:n / mežnu:n], *syp.* **1.** Däli, diwana, telbe. *Haýran, mejnun bolup çyksam çöllere, Baryp mesgen tutsam sizi, daglar, heý* (Magtymguly). **2.** *at, göç.m.* Yşk ýoluna düşen aşyk. *Meýdandaky gülälekleň daşynda, Pyrlanyp ýör mejnun bolan perwana* (M. Seýidow). **3.** Oglana dakylýan at.

**MEJNUNLYK** [mejnu:nluk / mežnu:nluk], *at.* **1.** Däli-diwanalyk, telbelik. **2.** *göç.m.* Yşk ýoluna düşenlik, aşyklyk, bir zadyň yşkynda bolmaklyk. *Şunuň ýaly mejnunlykda, Ötdi niçe ýaşyň seniň* (Ç. Aşyrow).

**MEKAN** [meka:n], *at.* **1.** Ýaşalýan ýer, ýurt, watan. **2.***göç.m.* Bir zadyň dörän ýeri: köp, bol ýeri. **3.** Oglana dakylýan at.

◊ **Mekan tutmak 1)** belli bir ýerde oturymly ýaşamak. *Çandybile baryp tutaryn mekan, Duşman garşylaşsa, bermerin aman* ("Görogly"). **2)** belli bir ýerde, kärde orun alyp işlemek, ornaşmak, ýerleşmek.

**MEKANLY** [meka:nly], *syp.* **1.** Mekany, ýurdy, ýaşaýan ýeri bar bolan. *Menikli, mekanly agzybir dogan, Ilimde tanymal, işde bekişen* (N. Pomma). **2.** *göç.m.* Ugry bar bolan, ugurly, subutly. *Ol mekanly zat aýtmady.*

**MEKANSYZ** [meka:nsyz], *syp.* **1.** Mekany, ýaşaýan ýeri, ýurdy bolmadyk. **2.***göç.m.* Ugursyz, biderek.

**MEKDEP,** *at.* **1.** Ýaş nesillere hat-sowat öwredýän, umumy bilim we terbiýe berýän okuw jaýy, sowat berilýän ýer, şonuň ýaly-da onuň binasy. **2.** *göç.m.* Durmuşy wakalary öwrenmek netijesinde gazanylan endik, başarnyk, tejribe; görelde alarlyk nusga. *Gurluşyk ýaşlar üçin uly synag mekdebi boldy.* **3.** Kesp, kär, hünär öwrenilýän ýörite okuw jaýy. *Sazçylyk mekdebi. Çeperçilik mekdebi.*

**MEKDEPDEŞ,** *at.* Bile bir mekdepde okaýanlar ýa-da okanlar, bir mekdepden bolan. *Ol meniň mekdepdeş ýoldaşym.*

**MEKEJIN,** *at.* Ýabany ene doňuz, doňzuň urkaçysy. *Bir güýçli duşmana duşsa mekejin, Jojugyny gizlemeýen bolarmy?* (Magtymguly).

**MEKGE I,** *at,* **1.** *gepl.d., ser.* **Mekgejöwen.** *Bu ýyl, şükür, gowaçalaryň hem mekgäniň rejesi oňat* (T. Gurbanow). **2.** Musulmanlaryň zyýarata gidýän şäheriniň ady. **3.** Oglana dakylýan at.

**MEKGE II: mekgesine münmek** biriniň yzyndan kowalamak, söbügini sydyrdyp kowalamak, ökjesine münmek. *Men ogurlyk edeniň mekgesine mündüm.*

**MEKGEJÖWEN** [mekgejöwön], *at.* **1.** Däneli ekinler maşgalasyna girýän, ýognas uzyn çiňrikli, bir ýyllyk medeni, däneli ösümlik; mekge. **2.** Şol ösümligiň sary, togalak dänesi, hasyly.

**MEKGEJÖWENÇI** [mekgejöwönçü], *at.* Mekgejöwen ösdürip ýetişdirýän, mekgejöwençilik boýunça hünärmen.

**MEKGEJÖWENÇILIK** [mekgejöwönçülük], *at.* Oba hojalygynyň mekgejöwen ösdürip ýetişdirmeklik bilen meşgullanýan pudagy.

**MEKGEJÖWENLIK** [mekgejöwönlük], *at.* Mekgejöweniň köp ekilen ýeri, mekgejöwen meýdany.

**MEKIR,** *syp.* Hile gurýan, hilebaz, hilegär; sapalakçy.

**MEKIRÇILIK,** *at, ser.* **Mekirlik.**

**MEKIRLEÇ,** *hal.*Mekirlik bilen; mekirlerçe. *Endigi boýunça elini maňlaýyna ýetirdi-de, başlyga mekirleç garady* ("Garagum").

**MEKIRLIK,** *at.* Içi pikirlilik, köpbilmişlik, hilebazlyk, hilegärlik, mekirçilik, sapalakçylyk. *Ýene-de gaharyny bildirmän, mekirlik bilen Myrat aganyň içine-daşyna, geçip, ony razy etjek boldy* (H. Derýaýew).

**MEKRU** [mekiru:], *at.* Din, şerigat boýunça rugsat edilmegi şeýle bir oňlanmaýan zat.

**MELAL** [mela:l], *at.* **1.** Gaýgy, gam, gussa, gam-gussa, hasrat. *Mejnun diýr, janymga düşdi köp melal, Jepbar kysmatymny hijran eýledi* (Andalyp). **2.** Şek, şübhe, müňkürlik, güman. *Şonuň üçin onuň göwnüne melal getirmeli däl-de, oňa gop bermek gerek* (B. Kerbabaýew).

**MELALSYZ** [mela:lsyz], *syp.* Şek-şübhesiz, gümansyz, hiç hili göwne getirilmesiz.

**MELAMAT** [mela:mat], *at.* **1.** Töhmet, garalyk. *Ýalandan melamat etmek Gybat eden dile meňzär* (Zelili). **2.** Garamat.

◊ **Melamatyny atmak** birine durmuşa çykmak; garamatyňy biriniň üstüne ýüklemek. *Gýz maşgala diýeniň bir çene baransoň, melamatyny biriniň başyna atsa gowy bolar.*

**MELAMAT** [mela:mat], *at.* Töhmet, garamat, garalyk. *Onuň melamaty biziň başymyza düşdi.*

**MELAMATLY** [mela:matly], *syp.* Töhmetli, garamatly, garalykly. *Bize melamatly gürrüň gerek däl.*

**MELAMATSYZ** [mela:massyz], *syp.* Töhmetsiz, garamatsyz, garalygy bolmadyk. *Näme-de bolsa melamatsyz bolsun.*

**MELAÝYK** [mela:ýyk], *at, k.d.* Perişdeler, melekler. *Hüýr periler, melaýyklar, Uzlar daş galdy, daş galdy* ("Saýatly – Hemra"). *Melaýyk suratly mähriban babam, Kaýsy pasly-nowbahardan bolar sen?* ("Kasym oglan").

**MELE,** *at.* **1.** Sarymtyl goňras reňk. *Mele çägelik.* **2.** Oglana dakylýan at.

**MELEK,** *at.* **1.** Perişde, melaýyk. *Ýarysy melekden, ýarysy jyndan, Müjewürsiz bolmaz üsti atamyň* (Magtymguly). **2.** Gyza dakylýan at.

**MELEMTIL,** *syp.* Mele reňke ýakyn, meleräk, mele öwüsýän. *Melemtil çäge.*

**MELEWŞE,** *at,***1.** Gögümtil ýaşyl reňk. *Çöpboýa gyzyl, melewşe, sarymtyl, goňur, çal reňkleri berýär.* **2.***gepl.d.* Jümjüme. *Olar bu gürrüňleriň müňüsinden ysmanak hakyndaky, melewşe hem bägül hakyndaky ýa-da şolara meňzeş gül bilen bilbil hakyndaky rowaýatlary gowy görýärler* (A. Gowşudow). **3.** Gyza dakylýan at.

**MELGUN** [melğu:n], *at.* Hilegär, mekir, şeýtan. *Munuň özi toýy bulamak üçin kimem bolsa bir melgun tarapyndan guralan hile diýip pikir edýärin* (B. Öwezow).

**MELGUNÇYLYK** [melğu:nçuluk], *at, ser.* **Melgunlyk.** *Onuň eden melgunçylygy ýatdan çykar ýaly däl.*

**MELGUNLYK** [melğu:nluk], *at.* Melgunyň gylyk-häsiýeti, hilegärlik, mekirlik, şeýtanlyk.

**MELHEM,** *at.* **1.** Em; däri-derman. **2.** Çyban, beze we ş.m. ýara ýapylýan ýapy, çalynýan derman serişde. *Ýara täzeliginde melhem etmek gerek, könelişse aňsat düşmez* (H. Derýaýew).

**MELLEK,** *at.* Hususy hojalykda peýdalanmak üçin bölünip berilýän ýer, jaý gurmak we ekmek üçin ölçelip berilýän ýer.

**MELLEKÇI,***at, kön.s.* Ýeri kärendesine, ylalaşyga görä, ýarpasyna alyp ekýän adam. *Mellekçä ýer berseň, ýer eýesini ýerden çykarar* (Nakyl).

**MELLEKLIK,** *syp.* Mellek üçin niýetlenip goýlan (ýer hakynda).

**MELUL** [melu:l], *syp., hal, k.d.* **1.** Näsag görnüşde bolan, ysgynsyz, ýarawsyz. *Hassa melul halym kim gelip sorar* (Talyby). **2.** Gaýgyly, hasratly, tukat. *Melul bolma hyrydarym gitdi diýp, Gelerin, guçaryn inçe billeriň* (A. Kowusow). **3.** Bir zadyň täsiri sebäpli keýpli, serhoş.

**MELULLYK** [melu:lluk], *at.*1. Melul halda bolmaklyk (*ser.* **Melul 1.** we **2.**) . *Görogly, melul bolmagyn, melullyk muhannes işidir* ("Görogly"). **3.** Bir zadyň täsiri netijesinde döreýän keýplilik, humarlylyk, serhoşluk.

**MEMLEKET,** *at, kön.s.* **1.** Ýurt, ülke, döwlet.*– Menden soňra täjime we memleketime eýe bolar ýaly bir pikir kylmasaň, özümi heläk kylar men! – diýdi* ("Asly–Kerem"). **2.** Gyza dakylýan at.

**MEMMER,** *at.* Metjidiň ýanyndaky üstüne çykylyp azan aýdylýan diň, münber.

**MEN,** Gepleýän şahsyň birlik sanyny aňladýan at çalyşmasy (*Men* sözüniň düşümlerde ulanylyşy: *men, meniň, maňa, meni, mende, menden*). *Kasdyň nedir bu jana, eý ýary mahy-taban, Men çekmişem bu jebriň, çekmesin hiç musulman* (Mollanepes).

◊ **Menden saňa barýança** el ujundan edilen, howlugyp ýerine ýetirilen, başdansowma edilen. *Işi menden saňa barýança etmek bolmaz.* **Men diýen** özüne göwni ýetýän, ýüňi ýeten, kämillige ýetişen; gowy, ýokary derejeli. **Meni urany, hudaý ursun 1**) nalajedeýin, elinden iş gelmeýän, hiç zatdan başy çykmaýan, başarnyksyz. **2**) pukara, mysapyr. **Men näme diýýän, dutarym näme diýýär** aýdylýan gürrüňe, meselä baglanyşykly bolmadyk bir zat aýtmak, biri-birinden habarsyz bolmak.

**MENÇELLEŞMEK,** *işl., gepl.d.* Biri bilen jedelleşmek, ýaňkalaşmak, çekeleşmek, harçaňlaşmak . *Gitdigiçe gyzyp başlar, mençelleşer, ýöne bu bihepbelere gep düşündirip bolýarmy näme...* ("Garagum").

**MENEK,** *at.* Bir zadyň ýüzüne düşen nokat, tegelejik tegmil. *Onuň endamy gara menekler bilen örtülgidi.*

**MENEK-MENEK,** *syp. Köp sanly menek bolup duran,* tegmil-tegmil, nokat-nokat. *Näzli gelin, bir bäriňi gözlegin, Guwanaýyn menek-menek hallara* (Mätäji). *Meňli gyzyň menek-menek halyny, Magtymguly çykarmady ýadyndan* (G. Seýitliýew).

**MENIK,** *at.* Başarnyk, eden işiňi oňaryş, edenlilik. *– Bir talaply ugra ýüzlen, menik başyny tut – diýip, hamana aga hökmünde bolup, nesihat berýän adam boldy* (A. Gowşudow).

**MENIKLENMEK,** *işl.* Dogumlanmak, ekezlenmek, edenli bolmak. *Çünki ol hemişe zähmetden başga zada düşünmeýän ýalydy we: – Men başlygyň aýalydyryn - diýip, meniklenmek onuň ýadyna-da düşmeýärdi* (A. Gowşudow).

**MENIKLI,** *syp.* Eden işini oňarýan, eli eden işine gelişýän, başarnykly, başarjaň, edenli. *Berkeli düşlem wagtyna çenli galan wagty menikli peýdalanmak, Bossanyň ýaňky hereketini ýene gaýtalamak küýüne düşdi* (B. Kerbabaýew).

**MENIKLILIK,** *at.* Menikli bolmaklyk, başarjaňlyk, edenlilik. *Ol özüniň meniklililigi, guramaçylyklylygy bilen beýleki çagalardan tapawutlanýar* (H. Ysmaýylow).

**MENIKSIZ,** *syp.* Başlan işini gutaryp bilmeýän, peýdaly işiň başyny tutmaýan, menikli däl, başarnyksyz, edenli däl.

**MENIKSIZLIK,** *at.* Menikli dällik, menigi ýokluk, başarjaň, edenli dällik, başarnyksyzlyk.

**MENLIK,** *at.* **1.** Meniň ýaranym, tarapdarym. *Sen bir menlik bol ahyry!* (N. Pomma). **2.**Maňa degişli, men bilen baglanyşykly. *Menlik işiňiz barmy?* **3.** *dil b.* Degişlilik, ýöňkeme görkezilende birinji şahsyň birlik sanynyň ady. *Menlik ýöňkemäniň goşulmasy.*

◊ **Menlik satmak** men-men diýip gursagyňa kakyp, hondanbärsi bolmak (*ser.* **Men-menlik:men-**

**menlik satmak** (**etmek**). *Aýallara menlik satan sopular, Eglenmez, süpürler, pir sesin aňsa* (Zelili).

**MEN-MENLIK,** *at.* Özüňi ulumsy tutmaklyk, uly göwünlilik, gopbamlyk, öwünjeňlik. *Men-menlikde gezer käsi, Günbe-günden bolar asy* (Zelili).

◊ **Men-menlik satmak (etmek)** özüňi ulumsy tutmak, öwünjeňlik etmek, özüňi hondanbärsi görkezmek. *Owal akan ýerden akarmyş aryk, Men-menlik edeniň tanapy çüýrük* (Magtymguly). *Ahyry bolar sen ýerge barabar, Köňlüňde men-menlik satyjy bolma* (Magtymguly).

**MENZIL,** *at.* **1.** *ser.* **Mezil.** *Ulug atlar üç menzilden gaýytsa, Süýremäge zor hossarlyk gerekdir* (Kätibi). **2.** *ser.* **Mekan 1.** *Niçe gün gudukda menzil eýledim, Günbe-gün halymny tebdil eýledim* (Andalyp). **3.** Düşelge, gonalga, duralga. *Köňül açmaga hoş menzil, şatlyga baý eken bu jaý* (Andalyp). **4.** *ser.* **Wokzal**. *Demir ýol menzili.* **5**. *ser.* **Howa: howa menzili**.

**MENZILGÄH** [menzilğä:h], *at, k.d.* Dynçalynýan, oturylýan oňat ýer, düşlenýän ýer, düşleg; düşelge. *Bilbil uçup, menzilgähim çöl oldy* ("Saýatly – Hemra"). *Menzilgähi bagy-bossan, Almaly nardan aýryldym* (Magtymguly).

**MENZILLIK,** *at.* Bir aralyga, menzile ýeterlik, şoňa laýyk. *Japbaklaryň bir gün menzilligi tükendi* (B. Kerbabaýew).

**MENZIL-MEKAN** [menzil-meka:n], *at, ser.* **Mekan 1.** *Hoş geldiň, Garybym, sapa gelipsiň, Gutly bolsun menzil-mekan, Garybym!* ("Şasenem – Garyp").

**MENZILSIZ-MEDENESIZ**, *syp.* Öýsüz-öwzarsyz, mekansyz, mesgensiz. *Menzilsiz-medenesiz adam diýip, maňa töhmet atýaň* (A. Gowşudow).

**MEŇ I,***at.* Adamyň endamynda, ýüzünde bolýan zyýansyz tebigy gara tegmil, nokat. *Eli meňli işe ýakyn, agzy meňli – aşa* (Nakyl). *Arkasy meňli – arzyly, garny meňli – görgüli* (Aýtgy).

**MEŇ II,** *at.* Hindi kenebiniň enelik gül topbagynyň bölüp çykarýan şepbiginden alynýan neşe jisimi.

**MEŇ III,** *at.* **1.** Käbir jandarlary aldap tutmak üçin gapana, çeňňegiň ujuna dakylýan et, gurçuk we ş.m. zatlar. **2.***göç.m.* Hile, aldaw.

**MEŇDIWANA** [meňdi:wa:na], *at.* Düýbünden birnäçe baldak urup çykýan, günebakaryň güli ýaly gülleýän, gara däneli derman ösümlik.

**MEŇIZ,** *at, k.d.* Adamyň ýüzi, ýüz keşbi. *Bularyň gül kimin meňzini soldurmaýyn, kişä zahyr etmäýin – diýip, çykyp gitdi* ("Zöhre – Tahyr"). *Gudaçylyk habaryny eşidip, Şiriniň meňzi saralyp ugrady* (B. Pürliýew).

**MEŇJAGAZ,** *at.* Kiçijik meň.*Hawa, onuňam burnunyň gapdalynda siziň kakaňyzyňky ýaly garaja meňjagaz bardy* (B. Kerbabaýew).

**MEŇKEŞ,** *at.* Meň çekýän, meň çekmegi endik edinen adam.

**MEŇKEŞLIK,** *at.* Meňkeşiň baş goşan ýaramaz käri.

**MEŇLI,** *syp.* **1.** Bedeninde, ýüzünde meňi, haly bolan. **2.** Oglana we gyza dakylýan at.

**MEŇZEDILMEK,** *işl.* Birine, bir zada meňzeş görülmek, meňzeş hasaplanmak. *Bu goşguda mert ýigitler, gör, näçe zada meňzedilýär* ("Edebiýat we sungat").

**MEŇZEME,** *iş ady.* Meňzemek ýagdaýy.

**MEŇZEMEK,** *işl.* Başga birine, bir zada ýa-da herekete çalym etmek, edil şol zat ýaly bolup görünmek, birnäçe zatlara laýyk, bap gelmek. *Ol özüniň ähli bolşunda mugallyma meňzeýärdi* (B. Seýtäkow).

**MEŇZEMEZLIK,** *iş ady.* Bir zat başga bir zada meňzäp durmazlyk, meňzeş bolup görünmezlik.*Çaga ejesine meňzemändir, agyn kakasy*.

**MEŇZEŞ,** *syp.* Ähli alamatlary biri-birine gabat gelýän, biri beýlekä çalym edýän, çalymdaş, kybapdaş. *Gyzlar meňzeş geýnipdirler.*

◊ **Ile meňzeş bolmak** adam syra bolmak, edebpli-ekramly bolmak.

**MEŇZEŞLIK,** *at.* Biri-birine meňzeş, çalymdaş bolmaklyk, çalymdaşlyk, kybapdaşlyk.

**MEŇZETME, 1.** *iş ady.* Meňzetmek ýagdaýy. **2.** *edeb.* Bir zadyň ikinji bir zada deňeşdirilýändigini, meňzedilýändigini aňladýan adalga. *Şahyryň tymsallary, meňzetmeleri adatdan daşary çeper çykýardy.*

**MEŇZETMEK,** *işl.* Biri, bir zat we ş.m. ikinji bir özüne kybapdaş zada meňzeş diýip hasap etmek.*Men seni Amana meňzetdim weli, ýalňyşan ekenim*.

**MEŇZEÝIŞ,** *iş ady.* Meňzemek ýagdaýy.

**MERDAN** [merda:n], *at.* **1**. *ser.* **Merdana. 2.** Oglana dakylýan at.

**MERDANA** [merda:na], *syp.* Mert, batyr, edermen, gaýduwsyz, çydamly, merdan.*Ýurt Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soň merdana halkymyzyň bol suw hakyndaky arzuw-dilegleri hasyl boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**MERDANALYK** [merda:nalyk], *at.* Mertlik, batyrlyk, edermenlik, gaýduwsyzlyk, çydamlylyk. *Dostum, ýadamazdan işle sen her gün, Hiç gowşatman merdanalyk badyňy* (A. Kowusow).

**MERDEKI**, *syp., gepl.d.* Çagalykdan saýlanyp, özüni oňaryp ugran (oglan hakynda). *Merdeki oglan.*

**MERDEKILENMEK**, *işl., gepl.d.* Çagalykdan saýlanyp, özüni oňaryp ugramak.

**MERDEM,** *syp., gepl.d.* Mert, çydamly, dözümli. *Seýdi onuň ähli okan takalyny püçege çykaryp, oňa örän merdem jogap beripdir* (N. Pomma).

**MERDEMLENMEK,** *işl, gepl.d.* Öňkä görä mert, dözümli, çydamly bolmak, mert häsiýete eýe bölmak. *Indi welin meniň goňurjam ulalypdyr, merdemlenipdir* (B. Annageldiýew).

**MERDEMLIK,** *at, gepl.d.* Mertlik, çydamlylyk, dözümlilik.

**MERDEMSI,** *syp.*Çydamlyrak, dözümliräk hereket edýän, batyrgaý.

**MERDEMSILENMEK,** *işl.* Merdemsi bolmak, dogumlanmak, merdemsi bolup başlamak.

**MERDEMSILIK,** *at, ser.* **Merdemlik.** *Gyz merdemsilik bilen pert-pert jogap berdi.*

**MERDEMSIREMEK,** *işl.* Mert, çydamly, dözümli bolan bolmak, özüňi merdemsi görkezmäge çalyşmak. *Emma näçe merdemsirese-de, dagdy bolan kalbyna ygtyýar edip bilmedi* (N. Pomma).

**MERDIKÄR** [merdikä:r], *syp,kön.s.* Edermen, batyr. *Kyrk müňi merdikär, galaň bozdurar* ("Görogly").

**MERDIWAN** [merduwa:n], *at.* Beýiklige çykmak ýa-da beýiklikden düşmek üçin basgançakly enjam, basgançak.

**MERDIWANLYK** [merduwa:nlyk], *syp.* Merdiwan bolar ýaly, merdiwan etmäge ýararly, merdiwan üçin. *Merdiwanlyk nawlar.*

**MEREZ,** *at.* **1.** *lukmanç., ser.* **Merezýel.** **2.** *gepl.d.* "Bela, zäher" diýen manyda ulanylýan sögünç sözi.

**MEREZÝEL,***at, lukmanç.* Köplenç, jyns gatnaşygy arkaly geçýän ýokanç kesel.

**MERGEN** [merğen], *at.* **1.** Tüpeň, ýaý atyp aw awlamaga, nyşanany urmaga ussat adam. *Mergendigiňizi-hä bilýärdim welin, juda beýlesiňiz öýdemokdym* (A. Nazarow). **2.**Oglana dakylýan at.

**MERGENÇILIK** [merğençilik], *at, ser.* **Mergenlik.** *Mergençilik bolsa-da, iliň öňüne çykyp geplemeli bolsa-da, ýene nämeler bolsa-da, gaýra durman, baryna goşulybergin* (N. Saryhanow).

**MERGENLIK** [merğenlik], *at.* Tüpeňi, ýaýy göni atyp bilmeklik ukyby, nyşanany urmaga ussatlyk. *Çarwa aganyň mergenligine söz bolup bilmez, ol uraýyn diýse, guşuň gözünden urýan adamdyr* (B. Gurbanow).

**MERGI** [merği], *at.* **1**. Köpçülikleýin degýän howply ýokanç kesel. **2.** *gepl.d.* Sögünç hökmünde ulanylýan gödek söz.

**MERHABA** [merhava:], *at, k.d.* **l.** *ser.* **Berekella.** – *Oglan, bagşy bolan ekeniň, merhaba, ussadyna rahmet – diýdi* ("Nejep oglan"). **2.**"Hoş geldiňiz" diýen manyny aňladýar.

**MERHEMET,** *at.* Rehim, şepagat. *Bir dileg eýleseň, möhümiň bitmez, Dostuň yhlas bilen merhemet etmez* (Magtymguly).

**MERHEMETLI,** *syp.* Rehimli, şepagatly. *Belki, eli merhemetli lukmanlarymyz bu batyl gözleriň ýagty jahana täzeden nazar aýlamagyny gazanarlar* ("Edebiýat we sungat").

**MERHEMETLILIK,** *at.* Merhemetli bolmaklyk, merhemeti barlyk, rehimlilik, şepagatlylyk.

**MERHUM** [merhu:m], *at.* Aradan çykan, ölen, wepat bolan. *Merhum ýazyjy.*

**MERJEN,** *at.* **1.** Deňiz düýbünde topbak bolup ýaşaýan hereketsiz jandarlar. **2.** Şol jandarlaryň çökündilerinden emele gelýän açyk gyzyl ýa-da ak reňkli gymmatbaha daş. *Ýa ýakutmyň, ýa merjenmiň, dürmi sen? Ýa çyragmyň, ýa röwşenmiň, näme sen?* (Magtymguly). **3.** Gyza dakylýan at.

**MERJIMEK,** *at, ösüml.d.* Kösükliler maşgalasyna degişli ösümlikleriň bir urugy.

**MERK,** *at.* "Ajal, ölüm" manysynda ulanylýan sögünç sözi.

◊**Merkini bermek** berk gaýtawul bermek, çykgynsyz ýagdaýa salmak, emini bermek, hötdesinden gelmek.

**MERKEZ,** *at.* **1.** Bir zadyň ortasy. *Uçastogyň merkezindäki öz iş tamyna gelip ýetdi* (B. Pürliýew). **2**. Haýsydyr bir zadyň möhüm nokady, bir zadyň, wakanyň we ş.m. jemlenýän ýeri. *Medeniýet merkezi.Ylym merkezi.* **3.** Ýurduň dolandyryş edaralarynyň ýerleşýän ýeri, paýtagty. *Ol merkezde bir edarada işleýär.* **4**. *mat.* Taraplaryň deň aralykda kesişýän nokady. *Töweregiň merkezi.*

**MERKEZI,** *syp.* Merkez bolup hyzmat edýän, merkezde duran. *Merkezi seýil bagynyň sport meýdançasy adamdan doludy* (T. Gurbanow).

◊**Merkezi hüjümçi** futbol, hokkeý ýaly sport oýunlarynda esasy, baş hüjümçi.

**MERKURIÝ** [merku:riý], *at*, *asman j.* Ýere iň golaý planeta we Gün sistemasyndaky uly planetalaryň iň kiçisi.

**MERMER,** *at.* Düzümi kalsitiň dänelerinden ybarat bolan kristal görnüşli dag jynsy (heýkeltaraşlyk we binaçylyk işlerinde ulanylýan gymmatly gaty daş).

**MERT,** *syp.* **1.** Çydamly, dözümli. *Olar Watan ugrunda mert durup göreşipdi.* **2.**Dogumly, gaýratly, batyr, edermen. *Merde ýalbarsaň–peseler, namarda ýalbarsaň– eseler* (Nakyl). *Işiň düşende bir merde, Ýaman günde gala bolar* (Magtymguly).

**MERTEBE** [merteve], *at.* **1.** Abraý, hatyra, dereje. **2**. *gepl.d.* Jaýyň gaty. *Ikinji mertebedäki myhman jaýy tämiz süpürilip, bezelip goýlupdyr* (G. Kulyýew). **3**. *gepl.d.* Gezek, ýola, sapar. *Üç mertebe atyny töwereginden aýlady* ("Görogly").

**MERTEBELEMEK** [mertevelemek], *işl.* Hatyrasyny tutmak, hormatlamak, derejesini götermek. *Garly "başlyk" sözüni ýörite mertebeläp aýtdy* (N. Jumaýew).

**MERTEBELI** [merteveli], *syp.* **1.** Abraýly, hatyraly, hormatly, derejeli.**2**. *gepl.d.* Birnäçe gatly, gat-gat. *Ýaşaýyş jaýlary bäş mertebeli edilip salyndy.*

**MERTEBELILIK** [mertevelilik], *at.* Abraýlylyk, hatyralylyk, hormatlylyk, derejelilik. *Şeýle atanyň ogly bolmagy uly mertebelilik bilýär* ("Görogly").

**MERTLERÇE,***hal.* Dogumlylar, gaýratlylar ýaly; batyrlarça, edermenlerçe. *Ol özüni mertlerçe saklap, beýlekilere-de basalyk bolýardy* (B. Kerbabaýew).

**MERTLIK,** *at.* **1.** Çydamlylyk, dözümlilik. *Aýsoltan ejesi sojanda, mertlik bilen ýuwdunyp, ony köşetmäge çalyşdy* (B. Kerbabaýew). **2.** Batyrlyk, edermenlik, dogumlylyk. *Mertlik görkezmek.*

◊ **Mertlige salmak** çydajak bolmak.

**MERTSIREME** [merissireme],*iş ady.* Mertsiremek ýagdaýy.

**MERTSIREMEK** [merissiremek],*işl.* **1.** Çydamly, dözümli bolan bolmak. *Ol ýarasynyň agyrysyny bildirmejek bolup mertsiredi.* **2.**Batyr, dogumly, edermen, gaýratly bolan bolmak. *Ol mertsiräp gepledi.*

**MERTSIREMEZLIK** [merissiremezlik], *iş ady.* Mert bolan bolmazlyk.

**MERTSIREÝIŞ** [merissireýiş], *iş ady.* Mertsiremek ýagdaýy.

**MERWANA** [merwa:na], *at, k.d.* Gep gezdirip, adam arasyny bozýan, içigara, melgun, arabozar. – *Cek menden eliňi, merwana – diýip, oňa garşylyk görkezdi* (N. Pomma).

**MERWANALYK** [merwa:nalyk], *at, k.d.* Ara bozujylyk, gep gezdirijilik, arabozarlyk.

**MERWER**, *at, ser.* **Merwerit**. *Hiç ýerde görmändim beýle şöhläni, Zenanyň merweri görkemen geçdi* (Kerim Garaja).

**MERWERIT** [merweri:t], *at, mineral.* Bezeg hökmünde ulanylýan gymmat bahaly daş, dür.

**MERZ** [meriz]**,** *at.* Tekiz ýeriň ortasynda tümmegräk bolup gidýän zolak beýiklik. *Hol bir gyrasynda köne gala merz bolup ýatyrdy* (A. Gowşudow).

**MES,** *syp.* **1.** Keýpi kök, jany sag, sag-gurgun ýaşap ýören. *Bir gün ýaşasaň-da, mes ýaşa* (B. Seýtäkow). **2.** Ot-iýmden hor bolmaýan, semiz, daýaw (mal hakynda). *Oslagsyz takyrdy mes gatyrlary ürküzdi* (B. Kerbabaýew). **3.** Gurply, barly, baý. *Ol hojalyk mes ýaşaýan hojalygyň biridi.* **4.** *gepl.d.* Serhoş, melul, lül.

◊ **Mes suw** joşgunly suw, joşup akýan bol suw. **Mes ýer** bol hasyl berýän, köpden bäri ekilmän ýatan minerallara baý, gurply ýer.

**MESAŇA,** *syp.* Mese-mälim, aýdyň, aýan, äşgär.

**MESAWY** [mesa:wy]: **mesawy gürrüň** peýwagtyna özara edilýän asuda gürrüň, mesaýy gürrüň. *Soňra olar çaý başynda mesawy gürrüň etdiler* (H. Garabaýew).

**MESAWYLYK** [mesa:wuluk], *at.* Mesawy ýagdaýda bolmaklyk, mesawy häsiýetde bolmaklyk, peýwagtynalyk, mesaýylyk. *Gürrüňiň mesawylygy ony haýran galdyrdy.*

**MESAÝY** [mesa:ýy] *ser.* **Mesawy.**

**MESÇILIK,** *at, ser.* Meslik. *Oba-il mesçilikmidir?*

**MESELE**, *at.* **1**. Amala aşyrylmagyny, çözülmegini talap edýän iş, wezipe. *Ilaty ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmek meselesi ileri tutulýan meseleleriň biridir.* **2.***mat.* Belli bir pikir ýöretmeler hem-de hasaplamalar esasynda çözülýän gönükmeler. *Mesele çözmek.*

**MESELEM,** Bir zat düşündirilende, sanalanda "mysal üçin, mysal hökmünde" diýen manyda ulanylýan giriş sözi, adatça, ol sözden soň düşündiriş häsiýetli sözler gelýär. *Ynha, meselem, özüňden mysal al* (B. Kerbabaýew).

**MESELIŞ,** *iş ady.* Meselmek ýagdaýy.

**MESELME,** *iş ady.* Meselmek ýagdaýy.

**MESELMEK,** *işl.* **1.** Mes, gurply bolup başlamak, maddy taýdan gowulaşmak. *Ýaran argyşa gideli bäri örän meselipdir.* **2**. Hasyllylygy ýokarlanmak, artmak (ýer hakynda). *Pagta ekiljek ýerler dökün dökülensoň örän meselipdir.* **3.** Suwy köpelmek, artmak, joşmak, hanasy dolmak (ýap, derýa hakynda). *Suw indi meseldi ahyry* (B. Kerbabaýew).

**MESELTMEK,** *işl.* **1.** Mes, gurgun, gurply etmek, maddy durmuşyny gowulandyrmak. **2.** Hasyllylygyny ýokarlandyrmak, artdyrmak. *Ýorunja ýeri meseldýär.* **3.** Suwuny artdyrmak, köpeltmek, joşdurmak, öňki derejesinden galdyrmak. *Ýagýan ýagyn derýanyň suwuny meseltdi.*

**MESE-MÄLIM** [mese-mä:lim], *syp.* Görnüp duran, aýan, aýdyň, äşgär, mälim. *Onuň düşünjeli ýigitdigi mese-mälimdi.*

**MESENE,** *at.* Degirmeniň suwuny batly indermek üçin ýeri beýgeldip, üstünden ýap geçirilýän beýiklik, sow. *Elin-ýüzün ýuwmaga, Kilwan mesenä çykdy* (A. Alamyşow).

**MESGE** [mesğe], *at.* Süýtden, gatykdan ýaýylyp alynýan ýag. *Süýt, mesge, ýumurtga, ýüň tabşyrmakda-da biz planymyzy artygy bilen doldurdyk* (A. Gowşudow).

◊ **Mesgeden ýugrulan** örän mylaýym, ýumşak häsiýetli. *Ol bir mesgeden ýugrulan süňksüz ýigitdir:*

**MESGEN** [mesğen], *at.* **1.** Oturymly ýaşalýan ýer, ýurt, mekan. *Möwlam, ýetir mesgenime, ýurduma, Ýüzüm düşsün arslanyma, gurduma* (Magtymguly). **2.** Bir zadyň dörän, köp bolýan, ýaşaýan, ösýän ýeri, ýurdy. *Ol topraklar inçe süýümli pagtanyň mesgenidir.*

◊ **Mesgen tutmak** bir ýerde oturymly ýaşamak, özüňe ýurt edinmek.

**MESGENLI** [mesğenli], *at.* Belli bir mesgeni, mekany bar bolan, ýerli-ýurtly.

**MESGENLILIK** [mesğenlilik], *at.* Mekanlylyk, ýerli-ýurtlulyk.

**MESGEN-MEKAN** [mesğen-meka:n], *at* Ýer-ýurt,mekan, mesgen, ýurt, ýer. *Bu toprak biziň ata-babadan gelýän mesgen-mekanymyzdyr.*

**MESGEN-MEKANSYZ** [mesğen-meka:nsyz], *syp., ser.* **Mesgensiz.**

**MESGENSIZ** [mesğensiz], *syp.* Belli bir mesgeni, mekany bolmadyk, ýersiz-ýurtsuz.

**MESGENSIZLIK** [mesğensizlik], *at.* Belli bir mesgeni, mekany, ýer-ýurdy ýokluk.

**MESI**, *at.* Ýumşak we ýuka gaýyşdan (mişiden) ädik görnüşli, ökjesiz tikilýän we galoş bilen geýilýän aýakgap. *Ol mele mesisini taýly gezek sypalaşdyryp, köwüşlerini golaýyna getirip goýdy* (B. Seýtäkow).

**MESIKMEK,** *işl., ser.* **Meselmek.** *Amyderýa mesigen deý mysaly, Şaglaýar, ses edýär, uly heň gurýar* (R. Seýidow).

**MESILIK**, *syp.* Mesi tikmek üçin ýaramly, mesi tikmäge niýetlenen.

**MESIRGEME**[mesirğeme],*iş ady.* Mesirgemek ýagdaýy.

**MESIRGEMEK** [mesirğemek], *işl.* **1.** Meslik etmek, mes bolmak. **2.** Joşup, köpelip, suwy artyp başlamak. *Bu günler Amyderýanyň mesirgäp joşýan möwsümidi* ("Mugallymlar gazeti"). **3.** *göç.m.* Joş almak, möwç almak, joşmak. *Agzyndan köpük saçyp, mesirgän iner ýaly esredi* (B. Kerbabaýew).

**MESIRGEMEKLIK** [mesirğemeklik], *iş ady.* Mesirgemek ýagdaýy.

**MESIRGEŞMEK** [mesirğeşmek], *işl.* Birnäçe bolup mesirgemek.

**MESIRGETMEK** [mesirğetmek], *işl.* Mesirgemegine ýol bermek, mesirgemäge mümkinçilik döretmek. *Oňat durmuş ony mesirgedipdir.*

**MESIRGEÝIŞ** [mesirğeýiş], *iş ady.* Mesirgemek ýagdaýy.

**MESLEK,** *at, kön.s.* Bir pikire,ugra, akyma bolan ynam, garaýyş.

**MESLEKDEŞ,***at, kön.s.* Bir pikire, ugra,akyma birmeňzeş garaýyşda bolan, pikirdeş.

**MESLIK,** *at.* **1.** Maddy taýdan gurplulyk, ykdysady taýdan üpjünlik, barlylyk; dokluk, gün-güzerany gaty gurgunlyk. *Bedasyl götermez bäş gün mesligi* (Magtymguly).*Ýolagçylaryň biri: – Mesligiň etdirýänidir-dä – diýdi* (H. Derýaýew). *Meslikden azaşýanlar az däl.* **2.** Şadyýanlyk, keýpiköklük, keýpiçaglyk. **3.** Keýplilik, serhoşluk, göçgünlilik. *Kimler mesliginden zowlatdy heňe* (N. Pomma). **4**. Guratlyk, sagdynlyk, daýawlyk.*Meslikden jylaw çeýnäp ýüwrük at, Basan ýerin köwläp, gumdan ýol açýar* (N. Pomma). **5**. *gepl.d.* Saglyk, saglyk-amanlyk, gurgunçylyk. *Il-gün meslikmidir?*

◊ **Meslige çydap bilmezlik** *ser.* **Mesligi göterip (göterinip) bilmezlik.** *Mesligine çydap bilmän, kükräp başlady.* **Mesligi göterip (göterinip) bilmezlik** gurplulyga, barlylyga çydam edip, asuda ýaşap bilmezlik, bir bolşuňy saklap bilmän, göterinmän azmak. *Diýmäýin diýsem, il içinde azgynlar köp, mesligi göterinip bilenoklar* (B. Kerbabaýew).

**MESNEWI** [mesnöwü], *at, edeb.* **1**. Özara kapyýalaşýan iki setirli beýtlerden düzülen şygyr žanry.

**MESSAN** [messa:n], *hal.* Saýhally hem haýbatly. *Özi bir dana gözel, sallanyp messan gezer, Waspyňny illerge aýtsam, haýsy aşyklar ýazar* (Gaýyby). *Basyşyň messan, messan...*(G. Seýitliýew).

**MESSEP,** *at.* **1**.*ser.* **Mezheb**. *Hany seň messebiň, hany seň diniň, Masgaralaýar bolşuň il, Amangeldi* (Baýly şahyr). **2**. Lebiz, ygrar, äht.

**MESSEPLI,** *syp.* Lebizli, ygrarly, ähtinde tapylýan, messebi bar. *Adam diýeniň messepli bolsa ýagşy.*

**MESSEPLILIK,** *at.* Lebizlilik, ygrarlylyk, ähtinde tapylyjylyk, messebi barlyk.

**MESSEPSIZ,** *syp.* Lebizsiz, ygrarsyz, ähtinde tapylmaýan, messebi ýok.

**MESSEPSIZLIK,** *at.* Lebizsizlik, ygrarsyzlyk, ähtinde tapylmazlyk, messebi ýokluk. *Ol messepsizlik etdi.*

**MESWÄK** [meswä:k], *at.* Bir ujy gyýçak kertik-kertik edilip, zeýtun, dagdan agajyndan boýy 15 *sm* çemesinde ýasalýan, diş synçgalýan taýajyk.

**MEŞGUL** [meşğu:l], *hal.* Bir iş, bir zat bilen gümra bolýan, işli.

**MEŞGULLANMA** [meşğu:llonmo], *iş ady.* Meşgullanmak ýagdaýy.

**MEŞGULLANMAK** [meşğu:llonmok], *işl.* Bir iş ýa-da bir zat bilen meşgul bolmak. *Biz sport bilen meşgullanýarys.*

**MEŞGULLANMAZLYK** [meşğu:llonmozluk], *iş ady.* Bir iş ýa-da bir zat bilen meşgul bolmazlyk. *Köpden bäri lukmançylyk bilen meşgullanmaýandygyma garamazdan, häzirkizaman lukmançylygyndaky özgerişlikler, medisina tehnologiýalary bilen tanşyp durmagy dowam etdirýärin* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**MEŞGULLYK** [meşğu:lluk], *at.* Meşgul bolmaklyk, gümralyk; işlilik.

**MEŞHUR** [meşhu:r], *syp.* Ady belli, şöhrat gazanan, şöhratly, dabarasy dag aşan. *Magtymguly meşhur türkmen şahyrydyr.*

**MEŞHURLYK** [meşhu:rluk], *at.* Ady bellilik, şöhratlylyk. *Türkmen halylary dünýäde uly meşhurlyk gazandy.*

**MEŞIK,** *at.* Suw we ş.m. guýmak üçin geçiniň derisinden edilen gap, tulum. *Her haýsynyň meşiginiň düýbünde-de ýeke içerlik suwlary galypdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Meşik ýaly** semiz, çişik. *Meşik ýaly adam.*

**MEŞIKÇI,** *at, gepl.d.* **1.** Geçi derisinden meşik taýýarlaýan adam. **2.** Arkasy meşikli aýlap suw satýan adam.

**MEŞIKLIK,** *syp.* Meşik etmäge ýarar ýaly, meşik bolar ýaly (deri).

**METAL** [meta:l], *at.* Ýylylyk, elektrik geçiriji häsiýetli, sozulýan, ýalpyldyly ýönekeý himiki element. *Okuwçylar metal bölekleri ýygnadylar.*

◊ **Metal pul** köplenç, misden, bürünçden, dýural-ýuminiden zikgelenip ýasalýan ownuk pul.

**METALLURGIÝA** [metallu:rğiýa / metal-lurği:ýa], *at.* Ylmyň hem tehnikanyň, seýle-de senagatyň magdanlardan ýa-da beýleki materiallardan metal almak bilen meşgullanýan pudagy. *Bu metallurgiýa kärhanasynyň önümçilik kuwwaty her ýylda 160 müň tonna önüme deňdir* ("Türkmen dünýäsi").

**METBE,** *at,kön.s.* Neşirleri çap etmek işini alyp barýan edara, çaphana; tipografiýa.

**METBUGAT** [metbu:ğat], *at.* Döwürleýin çap edilýän neşirler (gazetler, žurnallar we ş.m.).

**METDE,** *at.* Arap elipbiýinde elibiň üstünde goýulýan we uzyn [a:] sesini aňladýan belgi.

**METDELI,** *syp.* Üstünde metde bolan, metde goýlan. *Üsti metdeli bolsa,* [a] *sesidir.*

**METDESIZ,** *syp.* Üstünde metde bolmadyk, metde goýlmadyk. *Üsti metdesiz bolsa* [e] *sesi bolar.*

**METEORIT** [meteori:t], *at, asman j.* Älem giňişliginden Ýeriň atmosferasyna düşüp, onda dargap, pytrap ýetişmedik kosmiki jisim.

**METEOROLOGIÝA** [metorolo:ǧyýa], *at.* Ýeriň atmosferasy, onuň düzümi, häsiýeti we onda geçýän fiziki hadysalar hakyndaky ylym.

**METGI,** *at, gepl.d.* Masgara, ryswa, wejera. *Siz meni metgi etdiňiz.*

**METGI-MASGARA** [metgi-masğara], *at, ser.* **Metgi.**

**METJIT** [metji:t], *at.* Musulmanlaryň bäş wagt namazyny okap, ybadat edýän jaýy.

**METR** [me:tir / mi:tir], *at.* **1.** Ýüzsantimetre deň bolan uzynlyk ölçeg birligi. *Üç metr mata.* **2.** Bir zady ölçemek üçin ulanylýan, santimetrlere bölünen 100 *sm* uzynlykdaky agaç ýa-da metal gural. *Satyjy metrini eline alyp, mata ölçemäge durdy.*

**METRLIK** [me:tirlik / mi:tirlik], *syp.* Metre deň, metre barabar, metr ölçeginde. *Ol dükandan bäş metrlik halyny satyn aldy.*

**METRO** [metiro:], *at.* Şäheriň ýerasty elektrik demir ýoly, şäher ýol ulgamynyň bir görnüşi.

**METROLOGIÝA** [metiralo:ğiýa], *at.* Ölçegler we tereziler hakyndaky ylym.

**MEÝ,** *at.* Üzüm şeraby,çakyry. *Getirdi sakysy kim jam ile meý* (Abdysetdar Kazy).

**MEÝDAN** [meýda:n], *at.* **1.** Düz ýer giňişligi, boş, takyr ýer, boşluk ýer. *Ynha, ýazyň şeýle gözel görnüşli paslynda, al-ýaşyl gülälekli giň meýdanyň ortasynda ýaşyl donuny ýapynan depäniň üstünde bir ýigit otyrdy* (H. Derýaýew). **2.**Belli bir iş, söweş we ş.m. alnyp barylýan ýa-da ýörite niýetlenen ýer. **3.** *gepl.d.* Içeri däl, daşary, daş; üsti örtülmedik, daşy gabalmadyk ýer. *Meýdan örän yssy, durar ýaly däl. Bu ýer bolsa gaty salkyn we örän süýji suwly ýer* ("Türkmen halk ertekileri"). **4.** *göç.m.* Çygyr, ugur, çäk, älem. *Şygyr meýdany. Sungat meýdany.* **5.** Oglana dakylýan at.

◊ **Meýdana gitmek (çykmak)** aýakýoluna gitmek, buşukmaga gitmek, täret etmäge gitmek. **Meýdan düşelgesi** ekin ekilýän, hasyl ýygnalýan ýerlerde adamlaryň arakesme wagtynda düşleýän, nahar edinýän, dynç alýan ýeri, bassyrma. *Gowaça meýdanlaryndaky meýdan düşelgeleri hem örän giň edilipdir* (B. Pürliýew).**Meýdan etmek** aýakýoluna oturmak, täret etmek.

**MEÝDANÇA** [meýda:nça], *at.* Belli bir maksat üçin boş goýlan uly bolmadyk ýer, bir çäre geçirmek üçin abzallaşdyrylan, ýörite bejerilen meýdan. *Futbol meýdançasy.*

**MEÝDANLYK** [meýda:nlyk], *at.* Giden düzlük, giňişlik, giň meýdan. *Biz şol ýöräp oturyşymyza gijara meýdanlyga ýetdik.*

**MEÝHANA** [meýha:na], *at, k.d.* Şerap, çakyr, içgi içilip, keýp çekilýän jaý, ýer. *Meýhanada gülgün şerap içiler, Meý mest olup gezen çagdan aýryldym* (Mollanepes).

**MEÝHANAÇY** [meýha:naçy], *at, k.d.* Meýhanada işleýän, meý satýan, meý guýup berýän adam.

**MEÝIL,** *at.* Bir zada bolan isleg, höwes, arzuw, niýet.

**MEÝILDEŞ** [meýilleş], *at.* Meýilleri birmeňzeş, höwesleri, islegleri, arzuwlary meňzeş.

**MEÝILDEŞLIK** [meýilleşlik], *at.* Meňzeş meýillilik, höwesleri, arzuwlary, islegleri birlik.

**MEÝILLENDIRME** [meýillennirme], *iş ady.* Meýillendirmek ýagdaýy.

**MEÝILLENDIRMEK** [meýillennirmek], *işl.* Birinde meýil döretmek, isleg oýarmak, höwes döretmek.

**MEÝILLENMEK,** *işl.* Bir zada meýil etmek, göwün beslemek, hyýallanmak, höweslenmek. *Mülki gollaryny ýazyp, ogluny gujaklamaga meýillendi* ("Edebiýat we sungat").

**MEÝILLENIŞ,** *iş ady.* Meýillenmek ýagdaýy.

**MEÝILLEŞDIRMEK**, *işl., ser.* **Meýilnamalaşdyrmak**.

**MEÝILLI,** *syp.* Bir zada meýli, islegi, höwesi, hyýaly bar.

**MEÝILLILIK,** *at.* Meýli barlyk, meýilli bolmaklyk, höweslilik.

**MEÝILNAMA** [meýilna:ma], *at.* Durmuşa geçirmek üçin bellenilen işleriň, çäreleriň senenama laýyklykda yzygiderli tertibi. *Anyk düzülen meýilnama esasynda iş alyp barýarys.*

**MEÝILNAMALAŞDYRMAK** [meýilna:malaşdyrmak], *işl.* Belli bir döwrüň içinde ýerine ýetirilmeli işiň meýilnamasyny düzmek.

**MEÝILNAMALAÝYN** [meýilna:malaýyn], *syp.* Meýilmamalaşdyrylyp ýerine ýetirilýän, meýilnama görä işlenýän. *Meýilnamalaýyn iş.*

**MEÝILSIZ,** *syp.* Meýli ýok, meýilli däl. *Kim meýilsiz bolsa, galyp biler!*

**MEÝILSIZLIK,** *at.* Meýli ýokluk, meýilsiz bolmaklyk, meýilli dällik.

**MEÝIT,** *at.* **1.** Ölen adamyň göwresi, läşi, jesedi. **2.***gepl.d.* Gödek, sögünç söz (aýal maşgalalar tarapyndan ulanylýar).

**MEÝITHANA** [meýitha:na], *at.* Wagtlaýyn meýit saklanýan jaý.

**MEÝLETIN** [meýleti:n], *hal.* Öz islegi boýunça, keýpine, peýwagtyna, keýpihon, mejbury däl, zorluk görmän. *Biz şenbe güni meýletin ýowar geçirdik.*

**MEÝLETINÇI** [meýleti:nçi], *at.* Meýletinlik bildiriji, meýletin hereket ediji, meýletinlere goşulan.

**MEÝLETINÇILER** [meýleti:nçiler], *at.* Meýletinlerden, isleg, höwes bildirenlerden düzülen, meýletin bir iş edýänleriň topary.

**MEÝLETINLIK** [meýleti:nlik], *at.* Öz islegiňe laýyklykda hereket etmeklik, mejbury dällik. *Wepa derrew meýletinlik bilen urşa gitmäge arza berdi* (A. Gowşudow).

**MEÝLIS,** *at.* **1.** Dostlukly, şatlykly geçirilýän köpçülikleýin duşuşyk, ýygnanyşyk, oturylyşyk; toý-tomaşa. *Çopana meýlis haram* (Nakyl). **2.** Oglana dakylýan at.

◊**Meýlis gurmak** deň-duşlaryňy ýygnap, oturylyşyk etmek. *Gyzyň bu talabam ýetdi ýerine, Uly toý meýlisi guruldy ýene* (Ý. Nasyrly).

**MEÝLISHANA** [meýlisha:na], *at.* Meýlis, oturylyşyk geçirilýän jaý, ýer. *Ýigitler meýlishanada toý gurýardylar.*

**MEÝMENEK,** *at.* Howudyň syrtky somalyp duran ýeri, çomy.

**MEÝMIREME,** *iş ady.* Meýmiremek ýagdaýy.

**MEÝMIREMEK,** *işl.* Belli bir zadyň täsiri netijesinde ymyzganmak, irkiljiremek, oýaly-ukuly ýagdaýda bolmak. *Ol çep tirsegini ýassyga berip, meýmiräp gyşardy* (B. Seýtäkow).

**MEÝMIREŞMEK,** *işl.* Birnäçe bolup meýmiremek, ymyzganmak. *Meniň sesimi diňlän adamlar süýji uky basan ýaly meýmireşýärdiler.*

**MEÝMIRETMEK,** *işl.* Meýmiremek derejesine ýetirmek,bir zadyň ymyzgandyryjy täsiri ýetmek, süýji irkiljiretmek. *Bir burçdan, tutynyň aňyrsynda ýuwaş, meýmirediji saz çalnyp başlandy* (B. Seýtäkow).

**MEÝNE,** *at.* Sarlar maşgalasyna degişli we çüňki hem aýaklary sarymtyl-goňur guş.

**MEZHEB** [mezhep],*at.* Yslam dininde bölünýän ugur, şaha.

**MEZIL,** *at.* Orta hasap bilen ýarym günlük ýola barabar aralyk, kerweniň ýük ýazdyrýan aralygy, menzil. *Aýgören Marydan bir mezil ýoldy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Mezilini çekmek** birine hyzmat etmegi öz üstüňe almak. *"Meniň iliň çagasynyň mezilini çekip ýörmäge ýagdaýym ýok" diýdi.* **Meziliňi atmak** biriniň öýüne baryp, özüň hakynda ky aladany üstüne ýüklemek.

**MEZILLIK,** *at.* Bir mezile deň daşlyk, bir ýük ýazdyrar ýaly uzaklyk. *Şondan gündogarrak bir mezillikde ýene bir guýy bolaýsa, has ýagşy bolardy* (B. Kerbabaýew).

**MÄ** [mä:], *s.ş.aňl.söz.* Owlak-guzy, goýun-geçi ýaly ownuk mal mälände çykýan ses.

**MÄDE** [mä:de], *at.* **1.** Adamyň we haýwanyň iýmit siňdiriji agzasy, aşgazany. *Sowuk suwdan mädesi ganan janawar küdä bakan dyzady* (G. Kulyýew).**2.** *gepl.d.* Işdä, nahar-şam küýsegi.

◊ **Mädesi iri 1)**nahar dannamaýan, horan, gören zadyny ýalmap barýan. *Asla onuň bilen tabakdaş bolmaga-da mädäň iri bolmaly.* **2)** namysy-ary bilmeýän, zady ýüzüne almaýan, biperwaý. *Bä-ä, her ýerde mädesi iri ýigitler bar-ow* (B. Kerbabaýew). **Mädäňe degmek** ýüregiňe degip, işdäň kesilmek, tutulmak (nahar hakynda).

**MÄDEMÄZ** [mä:demä:z], *at, lukmanç.* Aşgazanasty mäz.

**MÄHEK,** *at.* **1.** Gyzylyň hilini barlamak üçin ulanylýan gaty dag jisimi. **2.** Gyza dakylýan at.

◊**Mähek ýaly** düşbi, akylly, pähimli. *Ol oglan duran bir mähek, bir sözli hem düşbi. – Hawa, eje, men ol gyzy gaty gowy tanaýan, onuň akyly-huşy mähek ýaly – diýip, Hoşgeldi jogap berdi* (A. Gowşudow).

**MÄHEKDAŞ**[mähekda:ş ], *at.* **1.** ser **Mahek.** **2.** *göç.m.* Düşbi, akylly, pähimli adam. *Syr saklaýan mähekdaş, Zer ýanynda bellidir* (Magtymguly).

**MÄHELLE,** *at, ser.* **Märeke.** *Agyr mähelle ony şowhun-şagalaň bilen garşy alypdy* (G. Kulyýew).

**MÄHETDEL,** *hal.* Teklip, mürähet edilen dessine. *Bossan mürähede mähetdel öýüň oňaýly ýerine geçdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Mähetdel etmek** birini garaşdyrmak, bendiwan etmek. *Näme uly ili mähetdel edip otyrsyň* (H. Derýaýew).

**MÄHIR,** *at.* Birine ýa-da bir zada bolan söýgi, gowy görmek duýgusy.

◊ **Mähri ganmak 1)** mähir duýgusyndan doýmak, bir zada bolan islegi ýerine düşmek. *Goý, olar wagtlaýyn aýraçylykdan ozal ertiriň tämiz howasynda biri-biriniň joşgunly mährinden ganyşsynlar* (B. Kerbabaýew). **2)** suwsuzlygyň, teşneligiň ganmak, içip kanagatlanmak. *Ýabynyň suwdan birneme mähri gandy* ("Görogly").

**MÄHIRLI,** *syp.* Mähir bilen, ýakymly, mylaýym. *Myhmanlar diýseň mähirli garşylandy.*

**MÄHIRLILIK,** *at.* Mähirli bolmaklyk, mähir duýgusy barlyk, mylaýymlyk, ýakymlylyk. *Bu alada garry enäniň çagalara mähirliliginiň alamatydy* (A. Gowşudow).

**MÄHIR-MUHABBET** [mähir-muhopbet], *at, ser.* **Mähir we Muhabbet**.

**MÄHIRSIZ**,*syp.* Mähir duýgusy bolmadyk, mylaýym däl, mähirli däl, mährewsiz.

**MÄHIRSIZLIK**,*at.* Mähir duýgusy ýokluk, ýakymly dällik, mylaýym dällik, mährewsizlik.

**MÄHNET I**, *syp.* Örän ullakan, gabarasy uly, ägirt uly, äpet. *Japbaklar aňyrsy birnäçe günüň içinde mähnet döle gazdylar* (B. Kerbabaýew).

**MÄHNETII**, *at.* **1.** Çekilýän zähmet, iş; zähmet azaby. *Kişi mähnet bilen mal gazanmasa, Gelen döwletiniň paýany bolmaz* ("Şasenem – Garyp"). **2.** Azap, kynçylyk, jebir. *Beladan, mähnetden gutulmaz başym, Ne niýetim bardyr, bilmen ne pälim* (Talyby).

**MÄHNETLIK,** *at.* Uly, gabarasy äpet halda bolmaklyk, äpetlik. *Üstüňe abanyp duran gaýanyň mähnetligi sussuňy basýar.*

**MÄHRAP** [mähra:p], *at.* Metjitde ymamyň namaza durýan ýeri, namaz okaýan ýeri. *Arka bermiş mähraba, Ýüzün bermiş kitaba* (Magtymguly).

**MÄHREM,** *syp.* **1.** *ser.* **Mähriban.** *Mährem ene.* **2.**Ýakyn, golaý; syrdaş, dost. *Kitap aňly-düşünjeli adamyň iň mährem ýoldaşydyr.* **3.** Oglana dakylýan at.

**MÄHREMLEŞDIRMEK,** *işl.* Mähirli gatnaşygy ýola goýmak.

**MÄHREMLIK,** *at.* Ezizlik, mähribanlyk; syrdaşlyk, dostluk, mähirli ýakynlyk. *Ondan özüme her dem mähremlik duýýaryn.*

**MÄHREW** [mähröw], *at, ser.* **Mähir.** *Şol göreçde hiç bir mährew ýokdy* (B. Kerbabaýew).

**MÄHRIBAN** [mährıva:n], *syp.* **1.** Mähirli, mylakatly, mährem. *Gülendam hem mähriban, hem salykatly* ("Görogly"). *Parahatlyk söýýän iller mähriban* (Aýdym). **2.** Gadyrly, gadyrdan, söýgüli, eziz. **3.** Gyza dakylýan at.

**MÄHRIBANLYK** [mähriva:nlyk], *at.* **1.** Mähirlilik, mylakatlylyk, mähremlik. *Öz adamlaryna*

*mähribanlyk bilen seretdi* (B. Seýtäkow). **2.** Gadyrlylyk, gadyrdanlyk, ezizlik.

**MÄJUM** [mä:ju:m], *hal.* Owradylyp, mynçgalanyp gatyşdyrylan, gatym-garym edilen, ezilen, ýugrulan. *Mäjum edip ýumşadylan topraga daýhanyň seretdigiçe seredesi gelýär.*

**MÄJUMLAMA** [mä:ju:mlomo], *iş ady.* Mäjumlamak ýagdaýy.

**MÄJUMLAMAK** [mä:ju:mlomok], *işl.* Mäjum etmek, mynçgap gatym-garym etmek, ýugurmak, garnuwy bilinmez ýaly etmek, garyşdyrmak. *Onuň adatlanan elleri suw bilen uny sanly salymda mäjumlady-da, güýçli, çalasyn ýumrugy hamyryň eýini ýetirdi* (B. Kerbabaýew).

**MÄJUMLAMAKLYK** [mä:ju:mlomokluk], *iş ady.* Mäjumlamak ýagdaýy.

**MÄJUMLANMAK** [mä:ju:mlonmok], *işl.* Biri tarapyndan garym-gatym edilmek; mäjum bolamk, goşulyp-garylmak. *Öňler bu ýerde suw bilen nebit mäjumlanyp ýatardy.*

**MÄJUMLATMAK** [mä:ju:mlotmok], *işl.* Birine garym-gatym etdirmek, mynjyratdyrmak, ownutdyrmak.

**MÄJUMLAÝYŞ** [mä:ju:mloýuş], *iş ady.* Mäjumlamak ýagdaýy.

**MÄKÄM** [mä:kä:m], *hal.* **1.** Durnukly, üýtgemeýän, tutanýerli. *Onuň bilen ýüzbe-ýüz duraýmak üçin nähili berk ýürek, mäkäm ruh gerekdir* (G. Kulyýew). **2.** Pugta, berk, gaýym, jebis. *Onuň duran ýeri örän mäkämdi. Meniň aýdanlarymy mäkäm ýadyňda sakla.*

**MÄKÄMLEME** [mä:kä:mleme], *iş ady.* Mäkämlemek ýagdaýy.

**MÄKÄMLEMEK** [mä:kä:mlemek], *işl.* **1.** Mäkäm etmek, gaýym etmek, pugtalamak, berklemek, bir zady bir ýere berkitmek. *Dalbarlyk üçin diken pürslerimizi mäkämledik.* **2.** Pugta, gymyldamaz ýaly jebis ýapmak, berklemek, açylmaz ýaly baglamak. *Derwezeban derwezäni mäkämlejek wagty menem urup, gala girdim* (A. Gowşudow). **3.** *göç.m.* Bir zady ýadyňdan çykmaz, unutmaz ýaly etmek, pugta tabşyrmak, berk sargamak, berklemek.

**MÄKÄMLEMEKLIK** [mä:kä:mlemeklik], *iş ady.* Mäkämlemek ýagdaýy.

**MÄKÄMLEMEZLIK** [mä:kä:mlemezlik], *iş ady.* Mäkäm etmezlik.

**MÄKÄMLENMEK** [mä:kä:mlenmek], *işl.* Biri tarapyndan mäkäm ýagdaýa getirilmek, berklenmek. *Derwezeler mäkämlendi.*

**MÄKÄMLEŞDIRMEK** [mä:kä:mleşdirmek], *işl.* Barysyny, ählisini mäkämläp ýapyşdyrmak, berkleşdirmek, berkläp çykmak.

**MÄKÄMLEŞMEK** [mä:kä:mleşmek], *işl.* **1.** Mäkäm ýagdaýa getirişmek, berklemäge kömekleşmek. *Derwezäni mäkämleşmek.* **2.** Dura-bara berkişmek, pugta bolup başlamak, sagdynlaşmak. *Ýurdumyzyň ykdysadyýeti gün-günden ösýär we mäkämleşýär.*

**MÄKÄMLETMEK** [mä:kä:mletmek], *işl.* Birine bir zady mäkäm etdirmek, berk baglatmak, berk durar ýaly etdirmek.

**MÄKÄMLEÝIŞ** [mä:kä:mleýiş], *iş ady.* Mäkämlemek ýagdaýy.

**MÄKÄMLIK** [mä:kä:mlik], *at.* Pugtalyk, berklik, gaýymlyk.

**MÄKI** [mä:ki], *at, dokm.* **1.** Erşiň arasyndan argaç geçirmek üçin ulanylýan, iki ujy süýnmek, ortasy oýuk, içine naýça salynýan uly bolmadyk gural. *Taranyň iki baka argaç geçirýän mäkisi bolmaly* (B. Kerbabaýew). **2.** Tikin maşynlarynda aşaky sapagyň ýerleşýän ýeri. *Ussa tikin maşynynyň mäkisini çalşyrdy.*

**MÄKIGÖL** [mä:kiğö:l], *at.* Hala salynýan mäki görnüşli göl.

**MÄKIÝAN** [mä:kiý a:n], *at.* Ýumurtga guzlaýan towuk, guş. *Mäkiýan sülgün. Mäkiýan käkilik.*

**MÄLEME** [mä:leme], *iş ady.* Mälemek ýagdaýy.

**MÄLEMEK** [mä:lemek], *işl.* "Mä-ä" edip seslenmek (geçi, goýun hakynda). *Haýwanam çagyrsaň, juda bolmasa mäleýändir, ýňraljyraýandyr* (B. Kerbabaýew).

**MÄLEMEKLIK** [mä:lemeklik], *iş ady.* Mälemek ýagdaýy.

**MÄLEMEZLIK** [mä:lemezlik], *işl.* "Mä-ä" edip seslenmezlik, mäläp durmazlyk.

**MÄLEÝIŞ** [mä:leýiş], *iş ady.* Mälemek ýagdaýy.

**MÄLEMEZ** [mä:lemez], *at.* Alty ýaşly goýun.

**MÄLEMEZLIK** [mä:lemezlik], *iş ady.* Mälemek hereketini etmezlik, mälemez ýaly ýagdaýda bolmak.

**MÄLEŞMEK** [mä:leşmek], *işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden mälemek. *Hoş howaly ýaýlalarda Mäleşýärler goýun-guzy* (A. Kowusow).

**MÄLETMEK** [mä:letmek], *işl.* Mälemäge mejbur etmek. *Goýny mäletmek.*

**MÄLIM** [mä:lim], *at.* Aýan bolup duran, aýdyň, äşgär, belli.

**MÄME** [mä:me], *at, gepl.d.* Aýal maşgalalarda süýt mäzi; göwüs. *Ak mämäňe çybyn gondy oglankaň, Ulalaňda, yzy mälim, Akmeňli* (Halk aýdymyndan). *On üç bilen on dört ýaşyň arasy, Tözlenip galyşar ýar, mämeleriň* (Kemine).

**MÄMIŞI** [mä:mişi], *syp.* Sarymtyl gyzyl reňk. *Ünsüni başga ýana sowup, mämişiň ýerine sary çitip, göge derek ak sapyp oturanlar azmy näme?* ("Edebiýat we sungat").

**MÄREKE** [mä:reke], *at.* Bir ýere köp toplanan, üýşen adamlar, jemende, mähelle. *Toýçy märeke dym-dyrs boldy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Märeke gaýtarmak** toýa gelen köp sanly adama hyzmat edip, toý sowmak. *Toýda giden märekäni gaýtaraýmak aňsat zat däl.* **Märeke gören** köpçüligiň arasynda köp bolup, köp zatlary öwrenen, oturylyşygyň we ş.m. abyny-tabyny bilýän. *Duran ýigitler bu adamynyň ozal märeke gören şorta adamdygyny dessine tanadylar we degişme gürrüňlere başladylar* (A. Gowşudow).

**MÄREKEÇI** [mä:rekeçi], *syp.* Märekäni, adamlaryň oturylyşygyny gowy görýän, söýýän, oňa gatnaşýan adam, märekesöýer, märekeman. *Ol märekeçi adamdy, köpçülik üýşen ýerde ol ýatlanýan adamdy.*

**MÄREKEÇIL** [mä:rekeçil], *ser.* **Märekeçi.**

**MÄREKEMAN** [mä:rekema:n], *syp., gepl.d., ser.* **Märekeçi.** *Ol gaty märekeman adam eken.*

**MÄREKESÖÝEN** [mä:rekesöýön], *syp., ser.* **Märekeçi.** *Çaňly şahyrçylyk we at seýisçilik edip, märekesöýen adam bolupdyr* ("Aşyk Çaňly").

**MÄREKESÖÝER** [mä:rekesöýör], *syp.,ser.* **Märekeçi.** *Märekesöýer Zybanyň göwni hemişe şagalaň-şugalaň, oýny, geň-enaýy zatlary isleýärdi* (Ý. Mämmediýew).

**MÄŞ** [mä:ş], *at.* **1.** Süýrüje ýaprakly, pessejik boýly kösükli ösümlik. *Mäş ekilen atyzlar.* **2.** Şol ösümligiň togalajyk melemtil dänesi, hasyly. **3.** *ser.* **Mäşewe.** *Men mäş içip heziller edindim.*

◊ **Mäşi bişişmezlik** agzybirlikde ýaşamazlyk, sözi alyşmazlyk, oňuşmazlyk, jyny jyňkyryşmazlyk.*Iň beteri-de, näme üçindir, garry awçynyň çagalar bilen mäşi bişişmeýärdi* (B. Gurbanow).

**MÄŞBÜRÜNÇ** [mä:şvürünç], *syp.* Ýaňy agaryp başlan sakgalyň reňki. *Onuň eňeginde mäşbürünç bolan selçeňräk sakgaly bardy* (N. Pomma).

**MÄŞE** [mä:şe], *at.* **1.** Tüpeň, sapança we ş.m. ýaraglaryň atmak üçin barmak bilen yza çekilýän egrije demri. *Ol tüpeňiň mäşesini gysdy.* **2.**Hyrlynyň açylyp, eplenip, ýere direlýän ätişgir görnüşli aýagy.

**MÄŞEWE** [mä:şöwö], *at.* Ýanan ýaga sogan, sähelçe un atyp, gowrulandan soň üstüne suw guýlup, mäş atylyp, gaýnadylyp bişirilýän nahar, çalkama, mäş. *Öz yssyja mäşewäňize ýetseňiz, niçik bolarka?* ("Görogly").

**MÄŞIRIK** [mä:şirik], *at, dokm.* Dokma ýüwürtmek üçin ýörite bükdürilen erişden saralan süýri ýumak. *Ejem mäşirik bükdürip otyrdy.*

**MÄTÄÇ** [mä:tä:ç], *syp.* **1.** Maddy taýdan ýetmezçilik, mätäçlik çekýän, gytçylykda ýaşaýan; garyp-gasar. **2.** Bir zada garaşly, bagly, zar. *Men seniň kömegiňe mätäç.*

**MÄTÄÇLIK** [mä:tä:şlik], *at.* **1.** Maddy taýdan ýetmezçilik, mätäç bolmaklyk, ýoksullyk; garyplyk. **2.** Bir zada garaşlylyk, baglylyk, zarlyk.

**MÄZ** [mä:z], *at.* Adamyň ýa-da haýwanyň ýaşaýyş üçin gerekli maddalaryny işläp çykaryp, gana berýän ýa-da bedeniniň daşyna çykarýan agzasy. *Süýt mäzleri. Ýag mäzleri. Tüýkülik mäzleri.*

**MÄZBAŞY** [mä:zva:şy], *at.* Adamyň alkymyna, boýnunyň ýüzüne çykýan başly ýara; inçekeseliň bir görnüşi .

**MÄZJIMEK** [mä:zjimek], *syp.* Mäze meňzeş, mäz görnüşli. *Mäzjimek öýjükler.*

**MÄZLEŞIK** [mä:zleşik], *syp.* **1.** Gubarlap, ýaşaryp duran (göz hakynda). *Kirpikleri selçeňlän gözleriniň symgylt garasynyň ornuny birsalym mäzleşik ak eýeledi* (B. Kerbabaýew). **2.**Şepbeşip duran, şepbeşik, süýgeşik. *Ol ýabyň içine böküp girende, şykgy gatyşykly mäzleşik laý onuň aýagynyň aşagynda moýmuldady* (B. Öwezow).

**MÄZLEŞIŞ** [mä:zleşiş], *iş ady.* Mäzleşmek ýagdaýy.

**MÄZLEŞME** [mä:zleşme], *iş ady.* Mäzleşmek ýagdaýy.

**MÄZLEŞMEK** [mä:zleşmek], *işl.* Gubarlap, ümezläp, ýaşaryp durmak (göz hakynda). *Onuň mäzleşen gözleri, naýynjar garaýşy meniň ýüregimden parran geçdi* (R. Gelenow).

**MÄZLEŞMEKLIK** [mä:zleşmeklik], *iş ady.* Mäzleşmek ýagdaýy.

**MÄZLI** [mä:zli], *syp.* Mäzi bar, gänli (*ser.* **Gän**). *Mäzli et.*

**MÄZOTY** [mä:zoty], *at.* Boýy 15-40 *sm* ýetýän köpýyllyk ýabany derman ösümlik.

**MI** [mi:], "Do" bilen başlanýan saz gammasynda üçünji ses we şol sesi aňladýan nota belgisi.

**MIGRASIÝA** [migyra:siýa], *at.* Ilatyň ýurduň içinde we daşynda göçmegi ýa-da bir ýerden başga ýere geçip, bolýan ýerini üýtgetmegi. *Migrasiýa gullugy.*

**MIKRO** [mi:kyra]..., **1.** Başlangyç birlikleriň milliondan bir ülşüne deň bolan fiziki ululyklary aňladýan birlikleriň atlarynyň birinji düzüm bölegi (mysal üçin, *mikrometr*). **2.** Juda kiçi ölçegli zatlara, nämedir bir zadyň çäkli tarapyna degişli kiçiligi aňladýan goşma sözleriň birinji düzüm bölegi (mysal üçin, *mikroorganizm*).

**MIKROB** [mikiro:p], *at.* Diňe mikroskop arkaly görmek mümkin bolan bir öýjükli örän kiçijik organizm.

**MIKROB** [mikiro:p], *at.* Diňe mikroskop arkaly görmek mümkin bolan öýjükli örän kiçijik mikroorganizmleriň umumy ady.

**MIKROFON** [mikyrafo:n], *at.* Ses tolkunlaryny elektrik tolkunlaryna öwürýän we sesleri uzak aralyga bermek üçin ýa-da güýçlendirmek üçin hyzmat edýän enjam.

**MIKROSKOP** [mikyrasko:p], *at.* Göze görünmeýän zatlary has ulaldyp görkezýän optik enjam.

**MIKROYKDYSADYÝET** [mi:kyraykdysa:dyýet], *at.* Ykdysady ylmyň ykdysadyýeti aýry-aýry ykdysady birlikler (pudak, firma, öý hojalygy we ş.m.), şeýle-de anyk bazarlar, nyrhlar, harytlar, hyzmatlar görnüşinde derňeýän bölümi.

**MIKROYKDYSADY** [mi:kyraykdysa:dy], *syp.* Mikroykdysadyýet bilen baglanyşykly, mikroykdysadyýete häsiýetli, degişli, mahsus.

**MIL** [mi:l], *at.* Dürli ýurtlarda dürli hili bolan uzynlyk ölçegi (deňiz mili – 1852 metr, geografik mil – 7440 metr).

**MILADY** [mila:dy], *at,* **1.** *kön.s.* Hristianlaryň ýyl hasaby, Isa pygamber doglaly bäri ýöreýän senenama. **2.** Häzirki grigorian sene hasaby.

**MILLET,** *at.* **1**. Taryhy ösüşiň barşynda adamlaryň diliniň, ýaşaýan ýeriniň, ykdysady durmuşynyň umumylygynyň hem-de milli bähbide laýyklykda emele gelýän şol halka häsiýetli milli medeniýetiniň esasynda ýüze çykan durnukly bitewüligi. **2.** Halk, ilat. **3**. *gepl.d.* Mähelle, jemende, köpçülik, adamlar. *Toýa millet bary üýşdi.* **4**. *gepl.d.* Adam, ynsan (yzyndan inkär ediji *"däl"* sözi gelen

halatynda ulanylýar). *Ol-a millet däl eken, ne-hä salamyňy alýar, ne-de adam ýaly gürleşýär.*

**MILLETARA** [milleta:ra], *syp.* Milletler arasyndaky.

**MILLETÇI,** *at.* Milletçiligiň tarapdary, milletçilige eýeriji, milletparaz; öz milletini beýlekilerden ileri tutýan.

**MILLETÇILIK,** *at.* Milletparazlyk, milletparaz-çylyk.

**MILLETPARAZ,** *at, ser.* **Milletçi.**

**MILLETPARAZÇYLYK,** *at, ser.* **Milletçilik.**

**MILLETPARAZLYK,** *at, ser.* **Milletçilik.**

**MILLI** [milli:], *syp.* **1.** Milletiň jemgyýetçilik-syýasy we medeni durmuşyna degişli. **2.** Şol bir ýurda, millete, döwlete degişli.

**MILLIARD** [milýa:rt], *san.* 1 000 000 000belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

**MILLIARDER** [milýarde:r], *at.* Milliardlarça puluň, baýlygyň eýesi.

**MILLIARDLARÇA** [milýa:rtlarça], *hal.* Birnäçe milliarddan ybarat, bir ýa-da birnäçe milliarda barabar.

**MILLIGRAM** [milli:ğyra:m], *at.* Gramyň müňden bir bölegi.

**MILLILEŞDIRILMEK** [milli:leşdirilmek], *işl.* Biri tarapyndan ýa bir ýöredilýän syýasat netijesinde döwlet eýeçiligine geçirilmek.

**MILLILEŞDIRMEK** [milli:leşdirmek], *işl.* Döwlet eýeçiligine geçirmek. *Senagat kärhanalaryny millileşdirmek.*

**MILLILEŞME** [milli:leşme], *iş ady.* Millileşmek ýagdaýy.

**MILLILEŞMEK** [milli:leşmek], *işl.* **1**. Hususy eýeçilikden döwlet eýeçiligine geçmek. **2**. Milli häsiýete geçmek, milli häsiýetli bolmak.

**MILLILEŞMEKLIK** [milli:leşmeklik], *iş ady.* Millileşmek ýagdaýy.

**MILLILIK** [milli:lik], *at.* Milli özboluşlylyk.

**MILLIMETR** [milli:me:tir], *at.* Metriň müňden bir bölegine deň uzynlyk ölçeg birligi.

**MILLION** [milýo:n], *at.* 1 000 000 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany; müň gezek müňe deň san.

**MILLIONER** [milýone:r], *at.* **1**. Millionlarça puluň, uly baýlygyň eýesi. **2**. Girdejisi million ýa-da birnäçe milliona ýeten hojalyk. *Millioner daýhan birlesigi.*

**MILLIONLARÇA** [milýo:nlorço], *hal.* Birnäçe milliondan ybarat, millionlap-millionlap. *Halkyň saglygyny goramak üçin millionlarça pul harçlanýar.*

**MILT,** *at.* Bir işiň hötdesinden gelmek niýeti, hyýaly; gaýrat. *Kimiň milti bolsa gelibermeli.*

◊ **Milt etmek** hyýal etmek, synanmak, het etmek. *Gyza lak atmaga milt etmek.*

**MINA** [mi:na], *at.* **1**. Ýeriň, suwuň aşagynda goýulýan partlaýjy ýarag. *Suwasty mina. Pyýada goşuna garşy ulanylýan mina. Tanka garşymina.***2**. Minomýotdan atylýan partlaýjy ok.

**MINAÇY** [mi:naçy], *at.* Minalamak işi we minalary aýyrmak boýunça hünärmen.

**MINAGÖZLEÝJI** [mi:nagözleýji], *at.* Topragyň astynda, suwuň düýbünde gurlup goýlan minalary agtaryp tapmak üçin ulanylýan göçme elektromagnit enjamy.

**MINALAMA** [mi:nalama], *iş ady.* Minalamak ýagdaýy.

**MINALAMAK** [mi:nalamak], *işl.* Bir zady partlatmak, ýarmak we gorag üçin mina goýmak.

**MINALANMAK** [mi:nalanmak], *işl.* Biri tarapyndan mina goýulmak.

**MINALAÝYŞ** [mi:nalaýyş], *iş ady.* Minalamak ýagdaýy.

**MINALY** [mi:naly], *syp.* Mina goýlan, minalanan.

**MINARA** [mina:ra], *at.* Metjidiň ýanynda gurulýan diň şekilli uly binaçylyk desgasy. *Batyp barýan Günüň ýiti naýzalary Hywanyň sansyz kän minaralarynyň çür depelerine düşüp, gadymy şäheri ertekilerdäki bir gijede emele gelen köşklere meňzedýärdi* (B. Seýtäkow).

**MINE,** *at.* Ýüpek gurçugynyň ýapragyny iýen tut çybyklary. *Öýüň işigingäki minede ýek-tük pile görünýärdi.*

**MINERAL** [minera:l], *at.* Ýer gatlagynyň düzümine girýän peýdaly magdan hökmünde gazylyp alynýan tebigy himiki jisim.

**MINERALLY** [minera:lly], *syp.* Düzüminde mineral bolan. *Minerally suw.*

**MINIATÝURA** [miniýatýu:ra], *at,* **1**. Gadymy golýazmalarda, kitaplarda berilýän reňkli surat. **2**. Nepis çekilen kiçi göwrümli surat.

**MINISTR** [mini:stir], *at.* Ministrlige ýolbaşçylyk edýän adam. *Daşary işler ministri. Bilim ministri.*

◊**Ministrler Kabineti** ýurduň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň we dolandyryşyň ähli edaralaryna ýolbaşçylygy amala aşyrýan hökümet edarasy.

**MINISTRLIK** [mini:stirlik], *at.* **1.** Döwlet dolandyryşynyň bir pudagyna ýolbaşçylyk edýän merkezi döwlet edarasy. **2.** Ministr bolup işlemeklik. *Ministrlik agyr iş.*

**MINNET,** *at.* **1.** Birine eden ýagşylygyňy diliňe çolaýyş, gyjalat, teýene. *Ýüz müň minnet bilen berlen aşdan, Iýseň tagam ýakmaz dahana ýagşy* (Halk aýdymyndan). *Zelili, bar zatdan ölümdir gaty, Ölümden-de gaty kişi minneti* (Zelili). **2.** Öz başyňy özüň çarama, başga birine ýük bolmazlyk, garaşlybolmazlyk. *Men minneti ýeke gulak pilden çekýärin.*

**MINNETDAR** [minnetda:r], *syp.* Birine eden ýagşylygyň üçin bergidarlyk, borçlulyk duýgusy bildirilip aýdylýan söz, hoşallyk sözi. *Annatagan aga, kyn ýagdaýda goldanyň üçin, men size çyn ýürekden minnetdar* (B. Kerbabaýew).

**MINNETDARÇYLYK** [minnetda:rçylyk], *at, ser.* **Minnetdarlyk.**

**MINNETDARLYK** [minnetda:rlyk], *at.* Edilen iş, ýagşylyk üçin hoşallyk, borçlulyk duýgusy.

**MINNETLI,** *syp.* Minneti bolan, gyjalatly, teýeneli, minnet edilýän. *Tarhanyň minnetli söz*

*çekmän, özüni erjel alyp barmagy ony her sapar dälilik hetdine ýetirýärdi...* (G. Kulyýew).

**MINNETSIZ** [minnessiz],*syp.* Göwne degiji däl, kemsidiji däl, igenç-gyjalatsyz, minnet edilmeýän. *Berlentagam minnetsiz bolanda janyňa siňer.*

**MINNETSIZLIK** [minnessizlik], *at.* Minneti ýokluk, minnetli dällik, minnetsiz ýagdaýda bolmaklyk.*Minnetsizligem ynsanyň bezegleriniň biri bolup biler.*

**MINOMÝOT** [minemýo:t], *at.* Mina oklaryny atýan hyrsyz nilli top.

**MINOMÝOTÇY** [minemýo:tçy], *at.* **1**. Minomýot bölüminiň harby gullukçysy. **2**. Minomýot atýan atyjy.

**MINUT** [minu:t / mint], *at.* **1.** Sagadyň altmyşdan bir bölegine deň ýa-da 60 sekuntdan ybarat bolan wagt ölçegi. *Her çykyş takmynan on bäş minuta dagy çekdi.* **2.** Gysga wagt aralygy, pursat, sähelçe wagt. *Şu minutda geliň! Bu waka minutyň dowamynda bolup geçdi.* **3.** Minuta deň, minut bilen ölçelýän (wagt). *Alty bolmaga on bäş minut wagt galdy.*

**MINUTLAP** [minu:tla:p], *hal.* Minutyň dowamynda (sözüň öňünden san gelen ýagdaýynda şonça minutyň dowamyndalygyny aňladýar). *Ýyljak ürgün çägäniň endama ýakymly täsirinden otuz minutlap lezzet almak mümkin* ("Saglyk").

**MINUTLYK** [minu:tluk], *syp.* **1.** Bir minut dowam edýän, bir minuta çekýän. *Minutlyk dymdyrslyk.* **2.**Az salymlyk, gysga möhletlik, az wagtlyk. *Olar bir minutlyk dymşyp, bir-birlerini bagyrlaryna gysyşdylar we ogşaşdylar* (A. Gowşudow).

**MINUTMA-MINUT** [minu:tmo-minu:t], *hal, ser.* **Minutsaýyn.**

**MINUTSAÝYN** [minu:ssa:ýyn], *hal.* Her minutda, minut geçdigiçe, minutma-minut. *Palta gatlakdan gatlaga geçende, sagatsaýyn däl, minutsaýyn garşylyga garaşýarsyň* (B. Kerbabaýew).

**MIRAP** [mi:ra:p], *at.* **1**. Suwly ekerançylyk sebitlerinde suw paýlamak, suw nobatyna we suw tutmaly wagta gözegçilik edýän adam. **2.** *gepl.d.* Oturylyşykda, toýda meý paýlaýjy, saky.

**MIRAPÇYLYK** [mi:ra:pçylyk], *at, ser.* **Miraplyk.**

**MIRAPLYK** [mi:ra:plyk], *at.* Mirabyň käri, wezipesi, mirapçylyk. *Miraplyk sapynyň saňa ýetip ýörenine men-ä haýran* (O. Ödäýew).

◊**Miraplyk etmek 1)** mirap bolup işlemek. **2)** *gepl.d.* toýda, oturylyşykda şerap paýlamak.

**MIRAS** [mi:ra:s], *at.* **1.** Esasan, nesilden-nesle geçýän mal, mülk, baýlyk. *Mirasdan ýumruk ýetse-de, hakyňy al* (Nakyl). *Bu ýer meniň atamdan galan miras ýerdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **2.** Öňki döwürlerden, öň ýaşap geçen nesillerden galan ylmy, medeni, durmuşa degişli we ş.m. baýlyklar, ýadygärlikler, tejribeler, usullar, däp-dessurlar, ýörelgeler.

**MIRASDAR** [mi:ra:ssa:r], *at.* **1.** Miras galan zady alan ýa-da miras almaga hukugy bolan adam, mirasdüşer, mirasgär. **2.** Öňden gelýän bir işi, pikiri dowam etdiriji. *Biz halkymyzyň iň oňat däpleriniň mirasdarlarydyrys.*

**MIRASDARLYK** [mi:ra:ssa:rlyk], at. Mirasa eýe bolmaklyk. *Mülke mirasdarlyk etmek.*

**MIRASGÄR** [mi:ra:sğä:r], *at.* **1**. *ser.* **Mirasdar.** **2**. Milli mirasy öwreniji.

**MIRASDÜŞER** [mi:ra:ssüşör], *at, ser.* **Mirasdar.**

**MIRI** [mi:ri], *at,kön.s.* Owňuk şaýy pul birligi.

**MIRŞIKÄR** [mi:rşikä:r], *at, kön.s., ser.* **Mürüşgär.** *Mirşikärler ele almaz her guşy* (Kemine).

**MIS** [mi:s], *at.* **1.** Gyzgylt reňkli sozulagan ýumşak metal, himiki element. *Mis sim.* **2.**Därä ot düşürmek üçin peşeňiň düýbüne oturdylýan içi çalt ot alýan jam. *Peşeňiň misi.*

◊ **Misiň gyzmak** bir işe gyzyşmak, haýdap işlemek. *Onuň misi gyzypdyr, daş-töwereginden habary ýok.* **Misiň ýarylmak** sabyr käsäň dolmak, gaharyň gelmek. *Bu habara onuň misi ýaryldy.*

**MISGÄR** [mi:sğä:r], *at.* Misden her hili zatlar ýasaýan ussa. *Misgäriň kellesi bolandan, zergäriň aýagy bol* (Nakyl).

**MISGÄRÇILIK** [mi:sğä:rçilik], *at, ser.* **Misgärlik.**

**MISGÄRLIK** [mi:sğä:rlik], *at.* Misgäriň käri, misgär bolup işlemeklik, misgärçilik.

**MISGIN** [misği:n], *syp., k.d.* Garyp,pukara, mätäç. *Eger misgin, eger baýdyr, Gelene hyzmaty gerek* (Magtymguly).

**MISGINLIK** [misği:nlik], *at, k.d.* Misgin bolmaklyk ýagdaýy, garyp-pukaralyk, mätäçlik.

**MISGINSOKAR** [misği:nsokor], *syp.* Assyrynlyk bilen hereket edýän, ýuwaşlyk bilen etjegini edýän, mekir, müsminsokar.

**MISGINSOKARLYK** [misği:nsokorluk], *at.* Misginsokar bolmak ýagdaýy.

**MISILSIZ,** *syp., kön.s.* **1**. Şübhesiz, şeksiz, kynçylyksyz; hökman. *Ol bu ýumşy misilsiz başarar.* **2.** Çendenaşa, çakdanaşa, uçursyz, deňsiz-taýsyz. *Misilsiz gowy adam.*

**MISLI**,"Ýaly, kimin, dek, edil" diýen manylarda ulanylýan kömekçi söz. *Biri bardyr misli maýa, bir görmeseň ömrüň zaýa* (Kemine).

**MISREN** [misiren], *at.* Daşly ýerleri gazmak, daşy we ş.m. zady galdyrmak, goparmak, owratmak üçin ulanylýan boýy 1,5 metr çemesindäki bir ujy çiş, beýleki ujy ýasyja, togalak ýogyn demir gural (lom).

**MIŞE,***at, k.d.* Tokaý,jeňňel. *Mişäniň peleňi, daglaryň gurdy* ("Zöhre – Tahyr").

**MIŞI** [mi:şi], *at.* Gaty gowy eýlenip bejerilen geçi derisi, ýukajyk gön. *Oglanjygyň aýagyndaky mişiden tikilen ädigi örän gelşiklijedi.*

**MIWE** [mi:wö], *at.* **1.** Käbir uly we gyrymsy agaçlaryň getirýän hasyly, ir-iýmişi. **2.***göç.m.* Bir zadyň netijesi, önümi. **3.** Gyza dakylýan at.

**MIWEÇILIK** [mi:wöçülük], *at.***1.** Miwäniň, ir-iýmişiň köp ýeri. **2.** Oba hojalygynyň miwe berýän ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy. *Miweçiligi ösdürmekde köp işler edilýär.*

**MIWELEME** [mi:wölömö], *iş ady.* Miwelemek ýagdaýy.

**MIWELEMEK** [mi:wölömök], *işl.* Miwe getirmek, miwe düwmek. *Erik agajy miweläpdir.*

**MIWELEMEKLIK** [mi:wölömöklük], *iş ady.* Miwelemek ýagdaýy.

**MIWELI** [mi:wölü], *syp.* **1.** Miwe berýän, miwe getirýän, miwesi bolan. *Miweli agaç nahallary.* **2.**Miwelerden taýýarlanylýan, miwelerden edilýän. *Miweli suwlar.*

**MIWESIZ** [mi:wösüz], *syp.* Miwe getirmeýän, miwe bermeýän, hasyly bolmadyk, hasylsyz. *Miwesiz agaçlar.*

**MIÝANA** [miýa:na], *syp., k.d.* Orta, ara. *Uzyn-gysganyň arasy, Orta-miýana söwdügim* (Kemine).

**MIÝESSER: miýesser bolmak (gelmek, etmek) 1)** sezewar bolmak, duçar bolmak, gabat gelmek, duşmak. *Özüň ýaly her sözi ýüz oýlap, bir aýdýan salyhatly maşgala her kime miýesser gelesi ýok ahyry* (B. Kerbabaýew). **2)** nesip etmek, mümkin bolmak. **3)** Gyza dakylýan at.

**MIZAN** [mi:za:n], *at.* **1**. Şemsi ýyl hasabynyň ýedinji aýynyň ady. **2**. Milady sene hasabynda: 23-nji sentýabr bilen 22-nji oktýabr aralygy. *Mizanda urmasa, hazanda-da urmaz* (Nakyl). **3**. *asman j.* Ýyldyz ady. **4**. *kön.s.* Terezi. *Magşar meýdanynda gurulsa mizan* ("Zöhre – Tahyr").

◊**Mizan terezi 1)** dini düşünjelere görä ölen adamyň sogabydyr günäsi ölçelýän terezi. **2)***gepl.d.* zergärleriň gyzylyň, kümşüň agramyny ölçeýän terezisi.

**MIZEME** [mi:zeme], *iş ady.* Mizemek ýagdaýy.

**MIZEMEK** [mi:zemek], *işl.* Üýtgemek, zaýalanmak, şikes ýetmek. *Käsäni elimden gaçyrdymam weli, mizän ýeri ýok.*

**MIZEMEKLIK** [mi:zemeklik], *iş ady.* Mizemek ýagdaýy.

**MIZEMEZLIK** [mi:zemezlik], *işl.* Hiç ýerine şikes ýetmezlik, hiç ýeri döwülmezlik. *Elinden gaçan çäýnek mizemändir.*

**MIZEMEZ** [mi:zemez], *syp.* **1.** Sarsmaz, berk, pugta. *Bu gün halkymyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenen mizemez hukuklaryna daýanyp, Magtymguly Pyragynyň agzybir, parahat, oňşukly ýaşamak baradaky ündewlerine ygrarlydygyny subut etdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). **2.** *göç.m.* Egsilmez, ummasyz, örän köp, depseň deprenmez. *Mizemez baýlyk.*

**MIZEMEZLIK** [mi:zemezlik], *işl.* Üýtgemezlik, zaýalanmazlyk, şikes ýetmezlik. *Jamyň bir ýeri hem mizemändir.*

**MO** [mo:], *s.ş.aňl.söz.* Sygyr molanda çykýan ses.

**MODEL** [mode:l], *at.* Nusga; galyp. *Demokratiýa barada aýdylanda bolsa, bu näzik substansiýany taýýar daşary ýurt modellerini ulanyp ornaşdyryp bolmaýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**MOH-MOH,** *üml.* Düýe ýanyňa çagyrylanda aýdylýar. *Çopan: "Moh-moh"diýip, kärderi düýäni ýanyna çagyrdy.*

**MOJUK,** *syp.* **1**. Erbet, ýaramaz, ugursyz, gelşiksiz . *Sen näme üçin şeýle mojuk ýalňyşlara ýol berdiň?* (B. Kerbabaýew). *Şol mahal daşaryk çykan Myrat işiň mojukdygyny dessine aňdy* (A. Gowşudow).**2**. Gödek, zoňtar, ýakymsyz. *Şeýle çalt sürüp barýarkalar kimdir biriniň: – Waý, batyr, men atdan aýryldym! – diýen mojuk sesi eşidildi* (A. Gowşudow).

**MOJUKLYK** [mojukluk], *at.* Mojuk häsiýetli bolmaklyk (*ser.* **Mojuk**: **1**-nji we **2**-nji manylary boýunça). *Mojuklykda ýakaňy tanatmak.*

**MOLAMA** [mo:lomo], *iş ady.* Molamak ýagdaýy.

**MOLAMAK** [mo:lomok], *işl.* "Mo-o" edip seslenmek (sygyr hakynda). *Sygyrlar ýogyn ses bilen howany ýaňlandyryp molaýardylar* (B. Kerbabaýew).

**MOLAMAKLYK** [mo:lomokluk], *iş ady.* Molamak ýagdaýy.

**MOLAMAZLYK** [mo:lomozluk], *işl.*"Mo-o" edip ses çykarmazlyk (sygyr hakynda).

**MOLAŞMAK** [mo:loşmok], *işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden molamak. *Sygyrlar molaşyp, başga bir tarapa gaçýardy* (H. Ysmaýylow).

**MOLAÝYŞ** [mo:loýuş], *iş ady.* Molamak ýagdaýy.

**MOLDAWAN** [maldava:n], *at., ser.***Moldawanlar.**

**MOLDAWANLAR** [maldava:nlar], *at.* Moldowanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**MOLLA** [mo:llo], *at.***1.** Medresäni, musulman dini mekdebini gutaran sowatly adam. **2.** Dini mekdepde sowat öwredýän mugallym. **3.** Oglana dakylýan at.

**MOLLAÇAR** [mo:lloçor], *syp.* **1.** Mollaçylyga ýetişip barýan sowatly adam. *Bir mollaçara jynaza okadyp, demirgazyk ýanlaryndaky mazarlykda Aşyr öz kakasyny öz eli bilen jaýlady* (B. Kerbabaýew).**2.**Molla sypat, molla meňzeýän.

**MOLLAÇYLYK** [mo:lloçuluk], *at, ser.* **Mollalyk.** *Seniň göwnüň daýhançylykdamy, batrakçylykdamy ýa mollaçylykda?* ("Görogly").

**MOLLALYK** [mo:lloluk], *at.* Mollanyň käri, ýagdaýy. *Ol mollalyk okuwynda üç-dört ýyl okady.*

**MOLLASUMAK** [mo:llosumok], *at.* Körsowat-lygyna garamazdan, mollaçylyk edip ýören, mollasyraýan adam, çalasowat molla.

**MOLLATORGAÝ** [mo:llotorğoý], *at.* Serçeler toparyndan bolan hüpüklije saýrak guş, torgaý. *Meniň adym mollatorgaý, Bir lukmajyk etim bolgaý* (Halk döredijiliginden).

**MONÇA** [mo:nço]: **monça bolmak** bir zadyň täsiri netijesinde hoşwagt bolmak, şat bolmak, göwnüň galkynmak. *Ýigit sesine ses goşulýandygyny görüp monça boldy* (G. Kulyýew).

**MONÇASYRAMAK** [mo:nçosuromok], *işl.* Monça bolup ýörmek, özüňden göwnühoş bolmak, iş

bitiren kişi bolan bolmak. *Bu habary eşidip monçasyrap ýörünţ*

**MONGOL** [manğo:l], *at, ser.* **Mongollar.**

**MONGOLLAR** [manğo:llor], *at.* Mongoliýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**MONJUGATDY** [mo:njuğatdy], *at.* 1. Nowruz baýramynda türkmen gelin-gyzlarynyň öz bagtyny synamak üçin monjuk çykaryp oýnaýan sanawaçly oýny.*Gyzlar otagalaryny ykjadyp, monjugatdydaky ýaly özleriniň bagty, söýşen ýigitleri barada sanawaç aýdyşyp, toýdan gelýär ekenler* (N. Pomma). 2. *edeb.* Türkmen halk döredijiliginiň bir görnüşi, žanry.

**MONJUK** [mo:njuk], *at.* Çüýşeden, gymmatbaha daşlardan we ş.m. dürli görnüşde ýasalyp, sapaga düzülip, boýna, saça dakylýan bezeg. *Aýnabadyň asmalygy, saç monjugy, saç ujundaky düwmeleri otursa-tursa şaňňyrdy bilen ses etdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Göz monjugy** göz degmezlik üçin boýna dakylýan, diwardan asylýan ýaşylymtyl-gök reňkli monjuk, göz-dil monjugy. **Göz monjugy ýaly** eýjegik, görmeklije, gelşiklije , gözleri ligirdäp duran (çagajyk hakynda).

**MONJUK-MONJUK** [mo:njuk-mo:njuk], *at.* Damja-damja, düwme-düwme, burçak-burçak, köp sanly ýaş düwmeleri. *Özüniň geçen günleri hem ýadyna düşdi-de, birden onuň gözünden monjuk-monjuk ýaş dökülmäge başlady* (A. Gowşudow).

**MONITOR** [monito:r], *at. teh.* **1.** Ekran arkaly seretmek, görmek üçin gurnalýan çylşyrymly gözegçilik enjamy. *Telewizoryň monitory*. **2.** Ýüzüne teksti we grafiki maglumatlary çykarmak üçin kompýuteriň ekrany.

**MONITORING** [monito:ring], *at.* Hemişelik alnyp barylýan gözegçiligiň netijesinde haýsydyr bir tebigy ýa-da durmuşy obýektde we ş.m. bolup geçýän özgermelere berilýän bahalaryň çaklamalaryň ulgamy, sistemasy.

**MONTY,** *at.* Ak üzümiň togalak iri görnüşi. *Gelinbarmak, monty üzümiň tüýsi, Miweler bol bitýär biziň ýerlerde* (A. Salyh).

**MONTÝOR** [mantyýo:r], *at.* Elektrik abzallaryny gurnamak, oturtmak we ş.m. boýunça hünärmen.

**MOR** [mo:r], *syp.* Gyzgylt-goňur reňk. *Mor sakgally adam.*

**MORTA** [morto], *syp.* Duýdansyz hem gödek, birden, çürt-kesik, zoňtar, gönümel. *Men Sara morta sorag berdim* (N. Baýramow).

**MORULYK** [mo:ruluk], *syp., gepl.d.* Mory eder ýaly, mory etmäge ýaramly.

**MORUK** [mo:ruk], *at,gepl.d.* Jaýyň diwarynyň içinden geçirilen tüsseçykar.

**MORY** [mo:ry], *at, gepl.d.* Jaýlaryň diwarynyň içinden, burçundan tüsse çykar ýaly ýasalýan ojak, otýakar.

**MOTAL** [motol], *at, gepl.d.* Gatan duzly peýniriň owradylyp, uzak wagtlap sanaçda süýt bilen saklanan görnüşi.

**MOTOR** [mato:r], *at.* **1.** Içinden ot alýan ýa-da elektrik güýji arkaly herekete gelýän hereketlendiriji (dwigatel). *Az salymdan soň motor sesi eşidilip başlady* (K. Berdiýew). **2.***gepl.d.* Iki, üç tigirli aýagulag, motosikl. *Motor dünýäni alagalmagal edip, bir salymyň içinde merkezden saýlandy* (T. Gurbanow).

**MOWZUK,***at, kön.s.* Eseriň, gazetiň, žurnalyň bir bölüminiň ýokary başynda görkezilýän ady. *Çalasowat Pökgen esewan bolan hem bolsa, makalalarynyň we başgalarynyň diňe baş mowzuklaryny zordan okady* (A. Gowşudow).

**MOÝ** [mo:ý], *at.* Çäýnek-käse ýaly gaplarda urgy netijesinde emele gelýän çat, döwük çyzygy. *Hum çäýnegiň moýy bar.*

◊**Moý açmak** çat açmak, çat emele gelmek, jaýrylmak. *Moý açan käse.*

**MOÝLY** [mo:ýly], *syp.* Moýy bolan, çat açan. *Moýly käse.*

**MOÝMULDAMA** [moýmullomo], *iş ady.* Moýmuldamak ýagdaýy.

**MOÝMULDAMAK** [moýmullomok], *işl.* Gaz ýörişini edip ýöremek, ikibaka yranyp ýöremek, ýuwaş, agyr ädimlemek. *Ol pyşdyl hereketi bilen moýmuldap gelip, olaryň ýanynda durdy* (B. Kerbabaýew).

**MOÝMULDAMAKLYK** [moýmullomokluk], *iş ady.* Moýmuldamak ýagdaýy.

**MOÝMULDAŞMAK** [moýmulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup moýmuldamak. *Gazlar boýunlaryny uzadyşyp, moýmuldaşyp gaçdylar* (H. Ysmaýylow).

**MOÝMULDATMAK** [moýmullotmok], *işl.* Biliňden aşagyny tagaşyksyz hereketlendirip ýöremek.

**MÖ**, [mö:],*üml.* Göle mölände çykýan ses.

**MÖÇBER** [möçvör], *at.* **1.** Bir zadyň ululyk ölçegi, göwrümi, gabarasy, sygymy. *Gabyň möçberi.* **2.** Bir zadyň mukdary, sany. *Ylmy işiň ýerine ýetirilmeli möçberi.* **3.** Töweregi, çemesi, çenli, çakly, takmyn, golaý. *Meniň daýhançylyk edip ýörenime kyrk-elli ýyl möçberi boldy* (N. Saryhanow). **4.** Çäk, aýtym, çygyr. *Pagta öndürmekde etrap möçberinde biziň daýhan birleşigimiz öňdeligi eýeledi.*

**MÖÇBERLI** [möçvörlü], *syp.* Ululygy, göwrümi belli bir möçberde bolan, möçberi taýyndan kesgitlenen. *On litr möçberli bedre.*

**MÖÇBERSIZ** [möçvörsüz], *syp.* Çensiz-çaksyz, sansyz-sajaksyz, çendenaşa köp. *Bu gowak obasy göçen beýik galanyň möçbersiz giň derwezeleri ýaly haňlap ýatyrdy* (A. Gowşudow).

**MÖÇBERSIZLIK** [möçvörsüzlük], *at.* Çensiz-çaksyzlyk, aşa köplük, belli bir ölçegde, möçberde dällik. *Işiň möçbersizligi ony oýlandyrýardy.*

**MÖÇÜGIŞ** [möçüğüş], *iş ady.* Möçükmek ýagdaýy.

**MÖÇÜKDIRME** [möçükdürmö], *iş ady.* Möçükdirmek ýagdaýy.

**MÖÇÜKDIRMEK** [möçükdürmök], *işl.* Biriniň bir ýerine gaty urup, mazaly agyrtmak, awundyrmak, içikdirmek. *Sen meni möçükdirjek bolup bilgeşländen uransyň!* (B. Kerbabaýew).

**MÖÇÜKDIRMEKLIK** [möçükdürmöklük], *iş ady.* Möçükdirmek ýagdaýy.

**MÖÇÜKMEK** [möçükmök], *işl.* Bir zadyň gaty degmegi, urulmagy sebäpli bir ýeriň gaty agyrmak, şikes ýetmek, zeper ýetmek; awunmak.

**MÖHLET** [möhlöt], *at.* **1.** Bir işi ýerine ýetirmek üçin belli bir wagt aralygy, pursat, müddet. **2.** *gepl.d.* Salym, sellem. *Tebip bir möhlet oýa batdy.*

**MÖHLETLEÝIN** [möhlötlöýün], *syp.* Belli bir möhlete, wagta çaklanan, kesgitli bir müddet bilen çäklenýän, möhlet bilen kesgitlenýän. *Uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk.*

**MÖHLETLEÝINLIK** [möhlötlöýünlük], *at.* Wagt, pursat taýdan çäklilik, belli bir möhlete çenlilik. *Şertnamanyň möhletleýinligi.*

**MÖHLETLI** [möhlötlü], *syp.* Belli bir wagt, pursat bilen çäklendirilen, möhlet goýlan, möhleti kesgitlenen. *Alty aýlyk möhletli okuw.*

**MÖHLETSIZ** [möhlössüz], *syp.* Belli bir möhlet, mütdet bilen çäklendirilmedik, wagty kesgitlenmedik. *Möhletsiz pasport.*

**MÖHLETSIZLIK** [möhlössüzlük], *at.* Belli wagta bagly dällik, mütdetsizlik, wagt taýdan çäksizlik.

**MÖHRE** [möhrö], *at.* Suw degirmeninde: meseneden degirmen daşyň aşagyndaky pere batly suw indirmek üçin daşdan örülen turba, suw ötügi. *Harazyň ýykylyp giden möhresine seretdi* (R. Gelenow).

**MÖHÜM**,**1**.*syp.*Gaýragoýulmasyz, wajyp, ähmiýetli, zerur. **2**.*at.* Ýerine ýetirilmegi biri tarapyndan haýyş edilýän ýumuş. *Ýüz möhüm et, biriň ýerine ýetmez, Akly bolan kişä hyýanat etmez* (Baýly şahyr).

◊ **Möhüm bitirmek** biriniň haýyşyny, ýumşuny ýerine ýetirmek. *Bahyla ugramaň, güler ýüz bermäň, Möhüm bitirmäge kipaýat ýagşy* (Magtymguly).

**MÖHÜMLI** [möhümlü], *hal.* Birinden haýyşly, bitirilmeli ýumuşly. *Siz onuň ýanyna möhümli bardyňyzmy?*

**MÖHÜR,** *at.* **1**.Ýuridik ýa-da fiziki şahsyň doly ady görkezilen tekstiň şekiliniň basma harplary ýa harplaryň arasy (düşegi) oýulyp ýasalýan hem-de kagyzyň we ş.m.ýüzüne basylýan enjam. **2**. Bir zadyň goýup giden yzy, sudury, tagmasy. *Onuň ýüzünde ýyllaryň salan möhüri görünýär.* **3**.*göç.m.* Bir zatdan galan täsir, duýgy, ýatlama. *Halkyň aňynda ol öçmez möhür galdyrypdy* ("Edebiýat we sungat").

**MÖHÜRDAR** [möhürda:r], *at, taryh.* Köne döwürde möhür saklaýan wezipeli adam. *Ähli emeldarlar, miraplar, möhürdarlar gala ýygnandy* (B. Seýtäkow).

**MÖHÜRDARLYK** [möhürda:rlyk], *at, taryh.* Möhürdaryň kesp-käri, ýagdaýy.

**MÖHÜRLEME** [möhürlömö], *iş ady.* Möhürlemek ýagdaýy.

**MÖHÜRLEMEK** [möhürlömök], *işl.* **1**. Möhür basmak, möhür goýmak, möhür bilen tassyklamak. *Resminamany möhürläp tassyklamak.***2**. Möhür basyp beklemek, baglamak. *Ammaryň agzyny möhürlemek.*

**MÖHÜRLEMEKLIK** [möhürlömöklük], *iş ady.* Möhürlemek ýagdaýy.

**MÖHÜRLENMEK** [möhürlönmök], *işl.* **1**. Biri tarapyndan möhür basylmak, möhür goýulmak, möhür bilen tassyklanmak. *Çapardan iberiljek hat möhürlendi.* **2**. Möhür basylyp beklenmek, baglanmak. *Dükanyň agzy möhürlendi.*

**MÖHÜRLETMEK** [möhürlötmök], *işl.* Möhürlemek işini başga birine etdirmek (*ser.* **Möhürlemek 1** we **2**).

**MÖHÜRLEÝIŞ** [möhürlöýüş], *iş ady.* Möhürlemek ýagdaýy.

**MÖHÜRLI** [möhürlü], *syp.* **1.** Möhürlenen, möhür basylyp tassyklanan. *Möhürli hat.* **2.**Tagmaly, bellikli, alamatly, nyşanly.

**MÖHÜRLILIK** [möhürlülük], *at.* Möhürli bolmaklyk, möhüri barlyk.

**MÖHÜT,** *at, gepl.d.* Töhmet,myjabat. *Ýelli özüniň hile we mekirligi bilen ýok ýerden toslan möhüdiniň bitiren işine şatlandy* (A. Gowşudow).

◊**Möhüt etmek** töhmet atmak, myjabat etmek, garalyk ýapmak. *Şonuň üçin: "Belki, bu ýigide möhüt edýändirler" diýen oý bilen biraz pikire gitdi* (B. Kerbabaýew).

**MÖJEJIK** [mö:jöjük], *at.* Owunjak jandar, mör-möjek. *Howanyň ýüzünde kiçijik möjejikler gaýyşyp ýördi.*

**MÖJEK** [mö:jök], *at.* **1.** Daş sypaty ite meňzeş ýyrtyjy, wagşy haýwan, gurt, böri, gelegurt. *Bu tilki ajygyp gezip ýörkä, onuň öňünden bir towşanyň yzyndan öler ýaly bolup, kowup gelýän möjek çykypdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **2.** Mör-möjek, möjejik. **3.** Oglana dakylýan at.

**MÖLE** [mö:lö], *syp.* Mölerip duran, alaryp duran, gözüň agy-garasy saýlanyp duran, uludan ala (göz hakynda). *Gözleri ulady, möledi* (B. Seýtäkow).

**MÖLELIK** [mö:lölük], *at.* Uly ala gözlülik, gözüniň agy köplük. *Onuň gözüniň möleligi gyza ýaramady* ("Edebiýat we sungat").

**MÖLEMEK** [mö:lömök], *işl.* "Mö-ö" edip seslenmek (göle hakynda). *Gölejik birden möledi.*

**MÖLERDIŞMEK** [mö:lördüşmök], *işl.* Birnäçe bolup, ýerli-ýerden gözlerini mölertmek. *Gözlerini mölerdişip, günäli ýaly, beýle taraplaryna bakýardylar* (B. Seýtäkow).

**MÖLERILMEK** [mö:lörülmök], *işl.* Gözüňi giňden açyp, bir zada aňkarylyp durmak, gözleriňi elek-çelek edip, geňirgenip seretmek. *Mikola onuň näme üçin beýle diýenligine düşünmän, mölerilip seretdi* (H. Ysmaýylow).

**MÖLERIŞMEK** [mö:lörüşmök], *işl.* Birnäçe bolup mölermek. *Çagalar mölerişdiler.*

**MÖLERMEK** [mö:lörmök], *işl.* Bir zada aňkaryp, gözüň agyny köpeldip seretmek, aňk bolup galmak, mönlük bilen garamak.

**MÖLERTMEK** [mö:lörtmök], *işl.* Gözüň agyny köpeltmek, gözüňi giňden açyp seretmek.

**MÖLEŞMEK** [mö:löşmök], *işl.* Birnäçe bolup, ýerli-ýerden mölemek. *Oba aralaşan sygyrlara gözi düşen daňylgy göleler gazyklarynyň daşynda aýlanmak bilen möleşýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**MÖLTEK** [mö:ltök], *syp., ser.* **Mön.** *Ol ilki işe gelende möltek bir oglandy.*

**MÖLTEKLIK** [mö:ltöklük], *at, ser.* **Mönlük.**

**MÖLTERMEK** [mö:ltörmök], *işl., ser.* **Mölermek.** *Ol ilki gelende ýuwaşja mölterip, gören we eşiden zatlaryna haýran galyp duran oglandy* (N. Saryhanow).

**MÖMIN** [mö:müýn], *at.* **1.** Hakyňýoluny tutýan adam, şerigatyň kada-kanunlaryny berjaý edýän musulman. **2.** Oglana dakylýan at.

**MÖMINLIK** [mö:müýnlük], *at.* Hakyňýoluny tutujylyk, dine ynanyjylyk, dinçilik.

**MÖMINSIREMEK** [mö:müýnsürömök], *işl.* Dinçi adam bolan bolmak.

**MÖN** [mö:n], *syp.* Sada, ýönekeý, türk, türkana. *Çerkezi näçe gyssasalar-da, hiç bir zady boýun almady, gaýta ol özüni mön görkezmäge çalyşdy* (B. Kerbabaýew).

**MÖNLÜK** [mö:nlük], *at.* Sadalyk, ýönekeýlik, türklük, türkanalyk.

◊**Mönlüge salmak** mönsüremek, hilegärligiňi ýaşyrmak, bilmezlige salmak.

**MÖNSÜREME** [mö:nsürömö], *iş ady.* Mönsüremek ýagdaýy.

**MÖNSÜREMEK** [mö:nsürömök], *işl.* Bir zady bilmediksirän bolmak, bilmezlige salmak, mekirlik edip, aňkaw bolan bolmak.

**MÖNSÜREMEKLIK** [mö:nsürömöklük], *iş ady.* Mönsüremek ýagdaýy.

**MÖNSÜREŞMEK** [mö:nsüröşmök], *işl.* Ýerli-ýerden mönsüremek, birnäçe bolup, bilelikde mönsüremek.

**MÖNSÜREÝIŞ** [mö:nsüröýüş], *iş ady.* Mönsüremek ýagdaýy.

**MÖŇŇÜRME** [möňňürmö], *iş ady.* Möňňürmek ýagdaýy.

**MÖŇŇÜRMEK** [möňňürmök], *işl.* Gaty sesli aglamak. *Ol saklanyp bilmän, möňňürmäge başlady* (Ö. Abdyllaýew).

**MÖŇŇÜRMEKLIK** [möňňürmöklük], *iş ady.* Möňňürmek ýagdaýy.

**MÖR-MÖJEK** [mö:r-mö:jök], *at.* Bogun bedenli oňurgasyz kiçijik möjejikler, owunjak jandarlar. *Ýazyň çykmagy bilen çölde ýylan, içýan, möý ýaly mör-möjekler hem görnüp başlaýar.*

**MÖR-MÖJEKLIK** [mö:r-mö:jöklük], *at.* Mör-möjegiň köp ýeri.

**MÖWÇ**, *at, şahyr.* : **möwç almak (urmak)** möwjemek, hyjuwlanmak, güýçlenmek, joşmak. *Lemmer-lemmer möwç uran, Ol derýalar galmazlar* (Magtymguly).

**MÖWJEME** [möwjömö], *iş ady.* Möwjemek ýagdaýy.

**MÖWJEMEK** [möwjömök], *işl.* Möwç almak, güýji artmak, güýçlenmek, joşmak, joş urmak. *Gajaryň ýüreginde düşnüksiz täsin bir galagoply duýgy möwjeýärdi* (N. Jumaýew).

**MÖWJEÝIŞ** [möwjöýüş], *iş ady.* Möwjemek ýagdaýy.

**MÖWLA** [möwla:], *at, k. d., ser.* **Mowlam 1**. *Ýarganat diýr: Ýa Möwla, Saldyň meni bu ýola...* (Magtymguly).

**MÖWLAM** [möwla:m], *at.***1**. *dini.* Allanyň bir ady. *Möwlam, ýetir mesgenime, ýurduma, Ýüzüm düşsün arslanyma, gurduma* (Magtymguly). **2.** Oglana dakylýan at.

**MÖWRIT** [möwrüýt], *at.*Her bir zadyň bolmaly wagty, döwri. *Herki zadyň öz möwriti bar eken* (R. Gelenow). *Möwriti geçen zatlar*.

**MÖWSÜM,***at.***1.** Pasyl, gyş, ýaz, tomus we güýz pasyllaryny görkezýän döwür, wagt aralygy. *Bahar möwsümi ýetende, Dag başynda siller galmaz* (Seýdi). **2.** Ýylyň dürli pasyllarynda wagty ýeten, gaýragoýulmasyz iş we onuň dowam edýän döwri. **3.***göç.m.* Adam ömrüniň belli-belli pursatlary, belli-belli ýaşlary içine alýan ömür menzilleri. *Ýigitlik möwsümi.*

◊ **Möwsümiňi sowmak 1)** bir zatda gezegiňi geçirmek, haýsydyr bir edilýän işi edip dynmak. **2)** öýlendirmek, durmuşa çykarmak we ş.m. borçlaryňy ýerine ýetirmek. *Sen ýöne tizräk şunuň ugruna çyk, şunuň bir möwsümini sowaly* (A. Durdyýew). **Möwsüm sowan etmek** tutan tutumly işiňi el ujundan etdim adyny edip ýerine ýetirmek.

**MÖWSÜMARA** [möwsüma:ra], *syp.* Iki möwsümiň aralygyna degişli. *Möwsümara ýer işleri.*

**MÖWSÜMLEÝIN** [möwsümlöýün], *syp.* Belli bir möwsümde ýerine ýetirilýän, möwsüm boýunça amala aşyrylýan. *Olar bejeriş işlerine möwsümleýin iş hökmünde garaýarlar.*

**MÖWSÜMLIK** [möwsümlük], *syp.* Bir möwsüme degişli, belli bir wagta çekýän; möwsümleýin.

**MÖÝ** [mö:ý], *at.* Köplenç, kerepde ýaşaýan zäherli hem zähersiz bognaýakly mör-möjek.

◊ **Möý okan ýaly** yzyny üzmän gürleýän, samyrdaýan, dyngysyz iňirdeýän, bir zady heçjikläp ýürege düşýän. *Bu heleý-ä möý okan ýaly okap, meniň başymy çaşyrdy* (A. Durdyýew). **Möý pytran (dargan) ýaly bolmak** her kim bir tarapa duw-dagyn bolmak, başly-barat dargamak. *Mundan soň dostlary onuň ýanyndan möý pytran ýaly bolup dagadylar.*

**MÖÝLI** [mö:ýlü], *syp.***1**. Möý ýaşaýan, möý bar bolan. *Möýli küme.* **2**. Möý dahylly, möýe degişli, möý bilen baglanyşykly. *– Soň siziň möýli gürrüňiňiz nähili gutardy?*

**MÖÝLÜK** [mö:ýlük], *at.* Möý köp duşýan (ýyl, ýer we ş.m.). *Şu ýyl gaty möýlük boldy.*

**MUAMMA** [muwamma], *at, edeb.* Şahyrana şygyr sungatynyň gizlin manyly bir görnüşi.

**MUGALLYM** [muğollum], *at.* Mekdepde, ýokary we ýörite okuw mekdeplerinde we ş.m. okadýan, sapak berýän, ders berýän hünärmen.

**MUGALLYMÇYLYK** [muğollumçuluk], *at.* **1.** *ser.* **Mugallymlyk.** *Ol on bäş ýyldan bäri bir mekdepde mugallymçylyk edýärdi* (R. Alyýew). **2.** *syp.* Mugallymlary taýýarlaýan, mugallym hünärini berýän, mugallym ýetişdirýän. *Mugallymçylyk instituty.*

**MUGALLYMLYK** [muğollumluk], *at.* Mugallymyň käri, wezipesi. *Ol mugallymlygynyň daşyndan döredijilik işi bilen hem meşgullanýar.*

**MUGT** [muğut], *syp., hal.* Hiç hili çykdajysyz, pulsuz, hak-heşdek tölenmän. *Mugt almak. Mugt bermek.*

◊ **Mugtuň bäri ýany** örän arzan, gaty arzan. *Ýangyç we jemgyýetçilik ulaglarynda gatnamak üçin tölegler mugtuň bäri ýany bolmagynda galar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**MUGTHOR** [muğutho:r], *syp., at.* Biriniň hasabyna ýaşaýan, kesekiniň zähmetiniň mürdüni çürtýän, mugtiýen.

**MUGTHORÇULYK** [muğutho:rçuluk], *at, ser.* **Mugthorluk.**

**MUGTHORLUK** [muğutho:rluk], *at.* Biriniň hasabyna, kesekiniň zähmetine ýaşamaklyk.

**MUGTIÝEN** [muğtiýen]**,** *syp., ser.* **Mugthor**.

**MUGTUNA** [muğtuno], *syp., hal., ser.* **Mugt**.

**MUGYR** [muğuýr]: **mugyra getirmek** syndyrmak, gözüniň oduny almak.

**MUHABBET** [muhopbet], *at, şahyr.* Ýakyn aragatnaşyk, dostlukly söýgi, mähir. *Rakyp bolsa, arasynda dostlaryň, Bir-birine muhabbeti az olar* (Kätibi).

**MUHABBETLI** [muhopbetli], *syp.* Muhabbeti bar bolan, söýgüli, dostlukly, mähirli. *Şatlyk ýaşy düwmelände gözlerde, Muhabbetli garaş bardy ýüzlerde* (A. Kekilow).

**MUHAMMES** [muhommes], *at.* **1.** Bäş setirden ybarat bolan şygyr bendi. *Naçar ondan soň zar-zar aglap:"Dilberimden aýryldym!" diýip, pelekden şikaýat edip, bir muhammes aýtdy* ("Zöhre – Tahyr"). **2.** Goşgy düzülişiniň bir görnüşi, bäşleme.

**MUHANNES** [muhonnes], *at.* Namart, bigaýrat, gorkak. *Muhannesiň bolmaz namysy, ary* (Magtymguly).

**MUHURMAK** [muhurmok], *işl, gepl.d.* Iýmek, symyşlamak; sygnamak. *Ol uzyn günläp pagta meýdanynda işlänsoň, işşek goýnuň tagamly etini işdä bilen muhurýardy.*

**MUKADDES** [mukotdes], *syp.* **1.** Keramatly. *Mukaddes ýerler.* **2.** Ähmiýeti boýunça örän uly we hormatly, iň ýokary, iň gymmatly. *Mukaddes raýatlyk borjy.* **3.** Iň eziz, iň ýakyn, has arzyly. *Mukaddes duýgy. Mukaddes ene pendi.*

**MUKADDESLIK** [mukotdeslik], *at.* Mukaddes hasaplanýan zat, saýylýan zat, mukaddes görülýän zat. *Watanyň mukaddeslikleri.*

**MUKAM** [muka:m], *at, sazç.* Şahyrlaryň sözlerine döredilmän, diňe özbaşdak (sözsüz) eser hökmünde döredilen köp bolümli saz eseri. *Goňurbaş mukamy. Gökdepe mukamy. Erkeklik mukamy. Aýralyk mukamy. Mukamlar başy. Berkeli çokaý mukamy. Şadilli mukamy.*

◊ **Mukam saz** mukam orkestriniň ýerine ýetirmegi üçin niýetlenen saz.

**MUKAMÇY** [muka:mçy], *at.* **1.** Mukam saz eserini döredýän sazanda. **2.** Mukam çalýan sazanda.

**MUKAMLYK** [muka:mlyk], *syp.* Mukama mynasyp, mukam döredere esas bolarlyk, mukama laýyk.

**MUKDAR** [mukda:r], *at.* **1.** San ululygyny, möçberi, göwrümi görkezýän söz. *Her bir sagylýan sygyrdan alynýan süýdüň mukdary dört esse diýen ýaly köpeldi.* **2.** *filos.* Daşky dünýäniň zatlaryny we hadysalaryny göwrüm, san, ösüş derejesi taýdan häsiýetlendirýän birlik. *Mukdar üýtgeşmeleri.*

◊ **Mukdar sanlar** sanalmada zatlaryň mukdaryny, sanyny aňladýan sanlar.

**MUKYM** [mukuým], *at.* **1.**Bir ýerde oturymly ýerleşen, jaýlaşan, bir ýerde mesgen tutan. *Mukym işini tutan myhmana nazar eýle* (Magtymguly). **2.** Oglana dakylýan at.

**MUKYT** [mukuýt], *syp.* Jür, berk, mäkäm, pugta. *Mukyt adam.*

◊**Mukyt bolmak** jür bolmak, berk bolmak, mäkäm bolmak, pugta bolmak.

**MUKYTLYK** [mukuýtluk], *at.* Jürlük, berklik, mäkämlik, pugtalyk. *Mukytlygy çaga ýaşdan öwretmeli.*

**MUM** [mu:m], *at.* **1.** Bal arylarynyň işläp çykarýan we öýjük ýasamak üçin material hökmünde ulanýan maddasy, şeýle-de şoňa meňzeş ösümlik maddasy. **2.** Ädik, possun we ş.m. tikmek işlerinde berklik üçin sapaga çalynýan serişde.

**MUM-HELIM** [mu:m-heli:m]: **mum-helim bolmak** *ser.* **Mum-helime dönmek (öwrülmek).** *Gör, indi mum-helim bolşuna seret.* **Mum-helime dönmek (öwrülmek) 1)** ýumşamak, gaty owranmak, gumak bolup gitmek, mum-helim bolmak. *Gaýrasy gum, ilersi dag, düz meýdan, Depelenip, mum-helime dönüpdir* (A. Kekilow). **2)** *göç.m.* ýuwaşamak, ýumşamak, mylaýym, salyhatly bolmak. *Iru-giç düşersiň meniň elime, Şonda öwrülersiň muma-helime* (D. Baýmyradow).

**MUMLAMA** [mu:mlomo], *iş ady.* Mumlamak ýagdaýy.

**MUMLAMAK** [mu:mlomok], *işl.* Mum çalmak, mum sürtmek. *Sapagy mumlamak.*

**MUMLAMAKLYK** [mu:mlomokluk], *iş ady.* Mumlamak ýagdaýy.

**MUMLANMAK** [mu:mlonmok], *işl.* Mum çalynmak, mum sürtülmek. *Ädikçi mumlanan sapaklary üýşürip goýdy.*

**MUMLAŞMAK** [mu:mloşmok], *işl.* **1.** Kimdir birine mumlamaga kömekleşmek. **2.** Iki ýa birnäçe bolup sapaga mum çalmak.

**MUMLATMAK** [mu:mlotmok], *işl.* Mumlamak işini başga birine etdirmek. *Garry ussa sapaklary, köplenç, agtygyna mumladardy.*

**MUMLAÝYŞ** [mu:mloýuş], *iş ady.* Mumlamak ýagdaýy.

**MUMLY** [mu:mly], *syp.* Mumlanan, mum çalnan, mum sürtülen. *Ana, bir dükanda ädikçiler, aýakgapçylar iki dyzlarynyň arasyndaky gönlerden mumly sapaklary eýläk-beýläk çaltlyk bilen çekýärler* (B. Kerbabaýew).

◊**Mumly ýüplüge dönmek** bir wakadan, ýagdaýdan soň ýuwaşamak, mylaýym, mylakatly,

salyhatly bolmak (adamyň häsiýeti hakynda). *Ol häzir mumly ýüplüge dönüpdir* (B. Pürliýew). **Mumly ýüplük ýaly bolmak** *ser.* **Mumly ýüplüge dönmek.** *Ynha, äri bir gelsin bakaly, asyl mumly ýüplük ýaly bolarlar* (H. Derýaýew).

**MUMYÝA** [mu:muýa], *at.* Dagyň kert gaýasynyň jaýrygyndan çykýan, tebipçilikde ulanylýan, köplenç, garamtyl-goňur reňkli tebigy jisim. *Şol döwügi seýiklärlik tebip tapyljagyna, şol döwügiň sepini kebşirlejek mumyýa el ýetjegine onuň akyly çatmandy* (B. Kerbabaýew).

◊**Mumyýa tüpeňlän ýaly** ýerine ýetirmesi örän kyn, çetin (iş, mesele hakynda).

**MUNAZARA** [muna:zara], *at, kön.s.* **1.** Gadymy çeper edebiýatda şygyr düzülişiniň bir görnüşi. **2.** Jedel, çekişme.

**MUNÇA** [munço], *hal.* **1.** Şeýle köp, şeýle mukdardaky, şunça, şeýle sandaky. *Munça adam nireden ýygnandyka?* (B. Seýtäkow). **2.** Munuň ýaly, beýle, şeýle derejede. *Ok degende munça akmandy ýaşyň, Aga begim, geňeşdarym, näme boldy?* ("Görogly").

**MUŇSY: çala muňsy** çala mydar, çala başy gowşan. *Çala muňsy jaýjagaz salan bolupdyrlar.*

**MUŇSARMAK** [muňsormok], *işl., gepl.d.* Gaýgylanmak, gamlanmak. *Seýliň agyr güne galyp, muňsaryp durşuna dözmedik Nepes aga oňaýsyz ýagdaýa düşdi* ("Garagum").

**MUR** [mu:r], *at, k. d., ser.* **Garynja**. *Süleýman sen, mura bir gulak goýgul, Sözüni diňlegil, jogabyn aýgyl* (Magtymguly).

**MURDAR** [murda:r], *syp., gepl.d., ser.* **Myrtar.**

**MURT,** *at.* **1.** Erkek adamlarda ýokarky dodak bilen burnuň aralygyna çykýan gyllar; syrylman goýberilýän şol gyl ösüntgileri. *Kirpikleri syh-syh ullakan gözlerini töweregine gezdiren Ýagşy äwmezlik bilen ýene murtlaryny sypalady* (B. Kerbabaýew). *Murt çykmak.* **2.**Käbir haýwanlaryň, mör-möjekleriň tumşugynyň üstünde ösýän uzyn gyllar, tüýler. **3.** Käbir ösümlikleriň baldaklarynyň ujundaky towlam-towlam çyrmaşýan inçejik sapak şekilli ösüntgiler.

◊ **Murta bat bermek** sypanjyrap haýbatlanmak, hondanbärsi bolan bolmak. **Murtuňy neşe bilmek** haýbatly görnüşe girmek, murtuňa guwanmak. **Murty garalan** ýigit çykan. **Murty palta kesmez** kämillik ýaşyna ýeten, men diýen ýigit çykan. *Sen bu gün sandan galan, unudylan çaga bolsaň, ertir murtuňy palta kesmez jahyl bolarsyň* (B. Kerbabaýew). **Murty tabamak** ýigitlikýaşyna ýetip, mazaly murt çykmak, jahyl çykmak, ýetişmek. *Ýagmyr ol wagtlar ýaňy murty taban ýaş ýigitdi* (G. Kulyýew).

**MURTLAK** [murutlok], *syp.* Uly, uzyn murtly. *Murtlak pyýada bir gapdalda ýatan dutara elini uzatdy* (G. Kulyýew).

**MUSALLAT** [musollot], *at.* Başa düşen bela, bela-beter, töhmet. *Men bilmeýän siňipmidir gargyşlar, Geldi bir musallat, dagyldy başlar* (Zelili).

**MUSKUL** [mu:skul], *at.* Bedeniň gysylmaga ukyply dokumalary, myşsa. *Adamyň eti gatapdyr diýlende muskullar göz öňünde tutulýar*.

**MUSKULATURA** [muskulatu:ra], *at.* Organizmdäki muskullaryň jemi, muskul sistemasy. *Taýlary gezim etmegiň we ýöreýşiň ähli görnüşlerine werziş etdirmek olaryň bedenini taplamak, muskulaturasyny ösdürmek, islendik wezipäni batyrgaýlyk bilen ýerine ýetirmegi öwretmek üçin zerurdyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz).

**MUSULMAN** [musulma:n], *at.* Yslam dinine eýerijileriň, uýýanlaryň umumy ady.

◊**Musulman dini** b. e. VII asyrynda Hezreti Muhammet pygamber tarapyndan esaslandyrylan yslam dini.

**MUSULMANÇYLYK** [musulma:nçylyk], *at, ser.* **Musulmanlyk.**

**MUSULMANLYK** [musulma:nlyk], *at.* Musulman dinine uýmaklyk, musulmançylyk. *Musulmanlyk şerti – saklama kine* (Zelili).

**MUSURMAN** [musurma:n], *at, gepl.d., ser.* **Musulman.**

**MUSYJA** [mu:suýjo], *at.* Gumrular maşgalasyndan bolan goňrumtyl-çal reňkli guş. *Musyja diýr: gider men, Geldim, bildim – öter men...* (Magtymguly).

**MUŞAKGAT** [muşokgot], *at.* Bir işi amala aşyrmakda çekilýän kynçylyk, azap, azar, görgi, zähmet. *Bu iki juwanyň beýik umytlardan doly arassa durmuşyndaky muşakgatlar diňe şondan soň başlandy* (T. Gurbanow).

◊ **Muşakgat (baryny) ýagdyrmak** haýsy-da bolsa bir ýagdaýy, bir zady we ş.m. bolşundan beter, agyr edip görkezmek, kynçylyklary has agyrlaşdyrmak, agzy ýellilik edip ulaltmak. *Hemmesi gelip sorap durasy ýok-la, senem muşakgat baryny ýagdyrýarsyň* (A. Durdyýew).

**MUŞAKGATÇY** [muşokgotçy], *syp.* Muşakgat baryny ýagdyrýan, dowulçy.

**MUŞAKGATÇYL** [muşokgotçul], *syp., ser.* **Muşakgatçy.**

**MUŞAKGATLY** [muşokgotly], *syp.* Kynçylykly, görgüşi köp, azaply, agyr. *Diňe şeýle agyr muşakgatly peýdasyz zähmetden soň, Garly ussa arkaýynlandy* (A. Gowşudow).

**MUŞAKGATSYZ** [muşokgossuz], *syp.* Kynçylyksyz, azapsyz, görgüsiz, ýeňil. *Işiň muşakgatsyzy bardyr öýdemok.*

**MUŞDAK** [muşdok], *syp.* Meýilli, höwesli, arzuwly, güýçli söýýän, intizar, zar; aşyk. *Gel, Tahyrym, bir dem görem jemalyň, Seniň didaryňa muşdak olup* men ("Zöhre – Tahyr").

**MUŞDAKLYK** [muşdokluk], *at.* Muşdak bolmaklyk ýagdaýy, höweslilik.

**MUŞT,** *at, k.d., ser.* **Ýumruk**. *Asly han hem tomaşaga çykdy, emma ony zalym gaýyn enesi gelip, bir muşt urup alyp gitdi* ("Asly-Kerem"). *Sözlände*

*agzyňa must bilen ursa, şonda biweçligini duýar dilazar* (Zynhary).

**MUTYG** [mutuýğ] syp., *k.d.* **1**. Boýun egen, tabyn. *Her ýandan arzuw eýläp, mutyg olan iliň bar, Sen özüň ogşaýyr sen, hökümli hana, Näzli* (Seýdi). **2**. Wepaly.

**MUWAPYK** [muwa:pyk], *syp., k.d.* **1.** Mynasyp, deň, laýyk. *Eý Hemra, sen adamzat, men perizat, adamyň ömri gysga bolar, adamzat bize muwapyk däldir* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2.** Häsiýetli, mahsus, has ýaraşýan, gelişýän. *Tur, beýdip ýatmak goç ýigide muwapyk iş däldir* ("Aşyk Çaňly").

**MUWAPYKLYK** [muwa:pyklyk], *at, k.d.* **1.** Mynasyplyk, deňlik, laýyklyk. **2**. Häsiýetlilik, mahsuslyk, ýaraşykly ýagdaýda bolmaklyk.

**MUZD**, *at.* Ýerine ýetirilen ownuk hünärmentçilik işler üçin berilýän pul, zähmet haky, hyzmat tölegi. *Ussa muzduny ber-de, gyssa* (Nakyl).

**MUZDLY** [muztly],*syp.* Muzdy bolan, muzdy bellenen, hak tölenýän, tölegli.

**MUZDSUZ** [muzutsuz / muzussuz],*syp.* Muzdy bolmadyk, hak tölenmeýän, tölegsiz.

**MUZDUR** [muzzur], *at, k.d.* Hakynatutma işçi, batrak, günlükçi, hakyna tutulan adam. *Agzy gowşak muzdur ärler, Zen sözüne uýar gider* (Misgingylyç).

◊ **Muzdur bolmak** müýnli ýaly egniňi gysyp oturmak, tukat bolmak. *Sen näme muzdur bolup otyrsyň?*

**MUZEÝ** [mu:zeý], *at.* Taryhy ähmiýeti bolan sungat ýadygärliklerini, her hili zatlary, ýagny hünärmentçilik eserlerini, ylmy açyşlaryň nusgalaryny, ýaşaýşa, durmuşa degişli senetleri, gurallary we ş.m. ýygnaýan, saklaýan, sergi guramak bilen meşgullanýan edara we şol edaranyň ýerleşýän jaýy. *Haly muzeýi.*

◊ **Janly muzeý** *gepl.d.* Haýwanat bagy. **Jansyz muzeý** Adamlaryň, haýwanlaryň mumdan ýasalan şekilleri ýerleşdirilen muzeý.

**MUZEÝLIK** [mu:zeýlik], *syp.* Muzeýde goýar ýaly, muzeýde görkezilmäge, saklanmaga degişli, muzeý zady bolmaga ýaramly. *Muzeýlik esbaplar.*

**MUZEÝÝEN,** *syp., k.d.* Bezelen, zynatlanan. *Hoş muzeýýen oldy älem, lälezar oldy ýene* (Gaýyby).

**MÜBÄREK** [müvä:rek], *syp.* **1.** Gowy niýet aňladýan alkyş sözi, gutlag sözi. *Baýramyň mübärek, gahryman enem* (R. Seýidow). **2.** *göç.m.* Mukaddes, bagtyýar.**3**. *göç.m.* Nurana, ýakymly. *Wah, dolan Aý ýaly mübärek ýüzüňe gurban bolaýyn...* (N. Pomma).

◊**Mübärek bolsun** "şowly bolsun, haýyrly bolsun, gutly bolsun" diýen manyda aýdylýan gutlag sözi. *Toýuňyz mübärek bolsun, gadyrly dostlar!*

**MÜBÄREKLEME** [müvä:rekleme], *iş ady.* Mübäreklemek ýagdaýy.

**MÜBÄREKLEMEK** [müvä:reklemek], *işl.***1**. Alkyşlamak, gutlamak. **2**. *k.d.* Taryp etmek, wasp etmek, taryplamak. *Oglan, mün atyňa, özüňi mübärekläp bir nama diý* ("Görogly").

**MÜBÄREKLEMEKLIK** [müvä:reklemeklik], *iş ady.* Mübäreklemek ýagdaýy.

**MÜBÄREKLEMEZLIK** [müvä:reklemezlik], *iş ady.* Gutlamazlyk, alkyş aýtmazlyk.

**MÜBÄREKLEÝIŞ** [müvä:rekleýiş], *iş ady.* Mübäreklemek ýagdaýy.

**MÜBTELA** [müvtela:], *hal, k.d.* Derdeser, başagaý, bagly, gümra. *Goç ýigit münse çamana, Wehm ile mübtela bolar* (Magtymguly). *Mübtela yşkyň elinde, Bolup men hary-zar, dilber* (Talyby).

**MÜÇE** [müçö] **I**, *at.* Biriniň ýa-da bir zadyň gabarasy, göwresi. *Sen şujagaz müçäň bilen meniň şu göwräme höküm etmäge utanaňokmy?* (B. Kerbabaýew).

**MÜÇE** [müçö] **II**, **1.***at.* On iki ýyla deň bolan wagt aralygy. *Ol öz gürrüňinde hem özüni ýaş görkezjek bolup dyrjaşýardy we ýyl hasaplaşardy, müçe sanaşardy* (A. Gowşudow). **2.** Adam ömrüniň on iki ýyla barabar bolan bölegi. *Ýara ýaraşar üç müçe ...* (Magtymguly).

**MÜÇENAMA** [müçöna:ma], *at.* Müçe hasaby.

**MÜÇENEK** [müçönök], *at.* Sakgal-murty ýolup timarlamak üçin ulanylýan jübtek şekilli agzy ýasyja gural, ýolguç.

◊ **Müçenek ýaly** gabylja, düşbüje. *Müçenek ýaly çaga.*

**MÜÇENEKLEME** [müçönöklömö], *iş ady.* Müçeneklemek ýagdaýy.

**MÜÇENEKLEMEK** [müçönöklömök], *işl.* Müçenek bilen ýolmak, müçenek bilen timarlamak, ýoluşdurmak.

**MÜÇENEKLEMEZLIK** [müçönöklömözlük], *iş ady.* Müçenek bilen ýolmazlyk, timarlamazlyk.

**MÜÇENEKLEÝIŞ** [müçönöklöýüş], *iş ady.* Müçeneklemek ýagdaýy.

**MÜDERRIS** [müdörrüýs], *at, kön.s.* Medresäniň mugallymy, medresede sapak berýän adam.

**MÜDERRISLIK** [müdörrüýslük], *at, kön.s.* Müderrisiň käri, wezipesi.

**MÜDIMI** [müdüýmü], *syp.* Wagt taýdan tükeniksiz, baky, hemişelik, mydamalyk, ebedi, ömürlik. *Arça müdimi ýaşyl öwsüp oturýar.*

◊ **Müdimi (baky) uka gitmek** aradan çykmak, ýogalmak, aýrylmak, ölmek. *Esgeri usul bilen tamyň gündogar ýüzüne getirdiler, emma ol eýýäm müdimi uka gidipdir* (A. Gowşudow).

**MÜDIMILIK** [müdüýmülük], *at.* Mydamalyk, bakylyk, ömürlik, hemişelik, ebedilik.

**MÜDIR** [müdüýr], *at.* **1**. Edarany, kärhanany dolandyryjy. *Dükanyň müdiri.***2**. Orta okuw mekdebine ýolbaşçylyk edýän wezipeli adam. *Mekdep müdiri.*

**MÜDIRLIK** [müdüýrlük], *at.* **1**. Müdiriň käri, wezipesi. *Ony mekdep müdirligine bellediler.* **2**. *syp.* Müdire degişli, müdir bilen baglanyşykly. *Müdirlik işim bar.***3**. Bir pudagyň iri dolandyryş edarasy.

**MÜDIRIÝET** [müdüýrüýet], *at.* **1**. Guramaçylyk-ýolbaşçylyk işini alyp barýan edara. **2**. Käbir dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçy edarasy.

**MÜFLIS** [müflüýs], *at, k.d.* Halys garyp düşen, tozan, eleşan. *Ýeri sazdyr, hassa bolan sagalar, Arryk, müflis garyp bolan oňalar* (Magtymguly).

◊**Müflisi çykmak** tozmak, garyp düşmek. *Ýylba-ýyldan meniň müflisim çykar* (Kemine).

**MÜFTI** [müftü], *at, kön.s.* Ýokary musulman ruhanylarynyň dini taglymatlaryny, şerigat kanunlaryny düşündirmek bilen meşgullanýan wekil.

**MÜFTÜLIK** [müftülük], *at, kön.s.* **1.** Müftiniň käri we ýagdaýy. *Ol müftülik edýärdi.* **2.**Müftiniň dolandyrýan, edara edýän ýeri, guramanyň jaýy.

**MÜJE** [müjö], *at, gepl.d.* Ýekeje däne üzüm, üzümiň bir dänesi.

**MÜJERRET** [müjörröt], *syp.* Ýeke, ýalňyz, maşgalasyz.

◊ **Müjerret geçmek (ötmek)** öýlenmän ýa-da durmuşa çykman, ömrüňi ýalňyz, ýeke geçirmek.

**MÜJEWÜR** [müjöwür], *at.* Öwlüýäniň başynda ýaşap, oňa gözegçilik edýän adam.

**MÜJEWÜRLI** [müjöwürlü], *at.* Müjewüri bar bolan.

**MÜJEWÜRLIK** [müjöwürlük], *at.* Müjewüriň käri, ýagdaýy.

**MÜJEWÜRSIZ** [müjöwürsüz], *syp.* Müjewüri bolmadyk, müjewüri ýok. *Ýarysy melekden, ýarysy jyndan, Müjewürsiz bolmaz üsti atamyň* (Magtymguly).

**MÜJI** [müjü], *at.* Keýik owlagynyň, owlagyň, çebşiň, guzynyň aşygy.

◊ **Müji (aşygy) ýaly** örän kiçijik, kiçijikden gelşikli. *Artyk gazygynyň daşynda aýlanýan alaşanyň lowurdaýan endamyna, müji aşygy ýaly kellesine, ýanyp duran gözlerine syn etdi* (B. Kerbabaýew).

**MÜJRÜP** [müjürüp], *syp., ser.* **Maýyp-müjrüp**.*Adamlary müjrüp bolmakdan halas ederis* (B. Pürliýew).

**MÜLEMMA** [mülemma:], *syp.*Birgiden, tutuş, bütin. *Otsuzlyk, iýmsizlik zerarly obada mal mülemma gyrylýardy* (B. Kerbabaýew).

**MÜLHIT** [mülhüýt], *syp., gepl.d.* Ezenegini agdyryp, özüni oňarman ýören, ebti agan, sölpi. *Men Hojaguly diýilýän mülhidi tanamok, emma atasyna belet* (B. Kerbabaýew).

**MÜLHITLIK** [mülhüýtlük], *at, gepl.d.* Ezenegi agan ýagdaýda bolmaklyk, sölpülik, ebti aganlyk. *Onuň henizem şol öňki mülhitligi.*

**MÜLK**[mülük],*at.* **1.** Biriniň hususy eýeçiligindäki ýer-suw, ymarat, baýlyk, mal, binalar. **2**. Jemgyýetçilik eýeçiligine degişli ýer, çäk, jaý, bag-bakjalar. **3**. *göç.m.* Ýer-ýurt, ülke, mekan, mesgen. *Bu azat mülkümiň degre-daşyny, Goraýarsyň, barha tijäp badyňy* (A. Omarowa).

**MÜLKDAR** [mülükda:r], *at.* Mülk eýesi, ýer eýesi.

**MÜLKDARLYK** [mülükda:rlyk], *at.* Mülki, emlägi barlyk, mülkdaryň ýagdaýy.

**MÜMKIN** [mümküýn], **1**. Bir hereketiň, wakanyň bolmagynyň ähtimaldygyny, şeýle hem bir işi amala aşyryp bolýandygyny, bir zadyň ikuçludygyny görkezýän ugrukdyryjy söz. *Şu gün ýygnak bolmagy mümkin.* **2**. "Rugsatmy, bolýarmy; hawa" diýen manyda gelýän giriş sözi. *"Girmek mümkinmi?""Mümkin"*.

**MÜMKINÇILIK** [mümküýnçülük], *at.*Bir zady, işi amala aşyrmak üçin amatly ýagdaý.

**MÜMKINGADAR** [mümküýnğadar], *hal.* Mümkin boldugyça, ýagdaýy tapyldygyndan, aňrujy, mümkin bolsa. *Olaryň hemmesi hasyly mümkingadar çalt hem ýitgisiz ýygnap, döwlete tabşyrmak hyjuwy bilen joşýar.*

**MÜMKINLIK** [mümküýnlük], *at, ser.* **Mümkinlik.** *Şeýle çuň burawa bolsa şol gatlaklardaky bozuklyk mümkinlik döretjek däl* (B. Kerbabaýew).

**MÜNBER** [mümmör], *at.* **1.** Köpçülik öňünde çykyş edilýän, sözlenýän ýörite ýer. **2.** Sport meýdançasynda köpçüligiň oturýan hatar-hatar ýerleri.

**MÜNDER** [münnör], *hal.* Biri-biriniň üstüne münderlenip goýlan, üsti-üstüne basylyp goýlan,gat-gat, gatbar-gatbar. *Birnäçe ýassyk münder bolup durdy.*

**MÜNDERLEME** [münnörlömö], *iş ady.* Münderlemek ýagdaýy.

**MÜNDERLEMEK** [münnörlömök], *işl.* Biri-biriniň üstünde goýmak, üsti-üstüne gat-gat edip basmak. *Münderläp goýmak.*

**MÜNDERLEMEKLIK** [münnörlömöklük], *iş ady.* Münderlemek ýagdaýy.

**MÜNDERLEMEZLIK** [münnörlömözlük], *iş ady.* Münderläp goýmazlyk.

**MÜNDERLENMEK** [münnörlönmök], *işl.* Münder-münder edilip goýulmak. *Gap böwürde, ýüpek ýorganlar münderlenen galaýy nagyşly sandyk bardy* (Magtymguly).

**MÜNDERLETMEK** [münnörlötmök], *işl.* Münder-münder edip goýdurmak, münderlemek işini etdirmek.

**MÜNDERLEÝIŞ** [münnörlöýüş], *iş ady.* Münderlemek ýagdaýy.

**MÜNDER-MÜNDER** [münnör-münnör], *hal.* Birnäçe münder edilen, gat-gat, biri-biriniň üstüne münderlenen, gatbar-gatbar goýlan. *Tamyň bir dulundaky ýüzi owadan, nepis nagyşly mary sandygynyň üstüne münder-münder edilip ýorganlar, per ýassyklar galdyrylypdyr* (A. Gowşudow).

**MÜNDÜRMEK** [münnürmök], *işl.* **1**. Ulagyň üstünde oturtmak, ulagly gezdirmek, ulagyň üstüne atarmak. *Ony araba mündürip, köp wagtlap obanyň aralaryna aýlady* (B. Seýtäkow). **2**. Bir zadyň üstüne çykarmak, gop berip, bir zadyň üstüne götermek. *Artygy gop berip, alma agajyna mündürdiler* (N. Jumaýew). **3**. *göç.m.* Bir zadyň nyrhyny ýokarlatmak, bahasyny artdyrmak, öňki derejesinden galdyrmak, gymmatlatmak.

**MÜNEJJIM** [münötjüm/münöçjüm], *at.* **1**. Asman ýagtyltgyçlaryny öwreniji, astronom. **2**. Ýyldyzlara garap pal atýan, täleý garaýan, geljegi kesgitleýän adam, astrolog. *Patyşa dessine münejjimlerini, gurrandazlaryny ýygnady* ("Görogly"). *Münejjimler kitap açdylar, gurraçylar*

*gurra taşladylar* ("Hüýrlukga – Hemra"). *Bu hazanyň sarsary, gurutdy ömrüm bagyny, Ýa münejjim, ber bu gün, pasly baharymdan habar* (Kätibi).

**MÜNEJJIMLIK** [münötjümlük/münöçjümlük], *at.***1**. Münejjimiň käri. **2**. Ýyldyzlara garap pal atmak bilen meşgullanmaklyk,

**MÜNGI** [münğü], *at.* Münmeklik, münmäge ýaraýan, üstüne münüp gitmeklik öwredilen (esasan, ulag hakynda ). *Müngä bolmaz ýaz aýynda bakmasaň, Üzeňňiň üzüler, gaýyş dakmasaň* (Durdy Gylyç).

**MÜNME** [münmö], *iş ady.* Münmek ýagdaýy.

**MÜNMEK** [münmök], *işl.* **1**. Atyň, eşegiň, maşynyň we ş.m. ulagyň üstünde oturmak; atlanmak. *Kenara bardym-da, gaýyga mündüm* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zadyň üstüne dyrmaşmak, çykmak, ýarmaşyp çykmak. *Olar alaňdan alaňa münüp, ýelejiräp, gidip baryşlaryna Uzuk aýratyn ýelmik-ýuwaly ýere duş geldi* (H. Derýaýew). **3**. *göç.m.* Bir zadyň bahasy galmak, ýokarlamak, gymmatlamak.

**MÜNMEKLIK** [münmöklük], *iş ady.* Münmek ýagdaýy.

**MÜNÜŞ** [münüş], **1**. *iş ady.* Münmek ýagdaýy. *Atasy oglunyň ata münşüne guwandy*. **2**. *ser.* **Müngi**. *Münüş öwredilen taý.*

**MÜŇ** [müň], *san.* 1000 sanynyň ady we onuň mukdary. *Mert ýigitler atar, salar gyljyny, Müň namart bolsa-da, bir merde sanmaz* (Magtymguly).

**MÜŇBAŞY** [müňmaşy], *at, taryh.* Müň esgere, müň nökere ýolbaşçylyk edýän serkerde. *Ol bize müňbaşy bolup gitdi* (B. Kerbabaýew).

**MÜŇBAŞYLYK** [müňmaşylyk], *at.* Müňbaşynyň wezipesi, işi; derejesi. *Ol goşunda müňbaşylyk edýärdi.*

**MÜŇDEBIR** [müňdövi:r], *san.* Doly, bütinleý, örän köp. *Men senden müňdebir razy.*

**MÜŇEDEKLEME** [müňödöklömö], *iş ady.* Müňedeklemek ýagdaýy.

**MÜŇEDEKLEMEK** [müňödöklömök], *işl.* Ýatan ýeriňden ýa-da eglip süýşeneklemek; bagryňy ýere berip, tagaşyksyz öňe omzamak. *Ol zat müňedekläp-emedekläp baryp, geçiniň aşagyna girdi* ("Görogly").

**MÜŇEDEKLEMEKLIK** [müňödöklömöklük], *iş ady.* Müňedeklemek ýagdaýy.

**MÜŇEDEKLEŞMEK** [müňödöklöşmök], *işl.* Ýerli-ýerden müňedeklemek, köp bolup müňedeklemek. *Iki sany pyşbaga müňedekleşip ýör.*

**MÜŇEDEKLEÝIŞ** [müňödöklöýüş], *iş ady.* Müňedeklemek ýagdaýy.

**MÜŇEDEKLÄBERMEK** [müňödöklä:vermek], *işl.* Müňedekläp başlamak, müňedek-müňedek edip ugramak.

**MÜŇK-MÜŇK: müňk-müňk etmek**. *ser.* **Müňküldemek**. *Onuň ýüregi müňk-müňk edýärdi.*

**MÜŇKÜLDEME** [müňküllömö], *iş ady.* Müňküldemek ýagdaýy.

**MÜŇKÜLDEMEK** [müňküllömök], *işl.* Müňk-müňk etmek, gymyldamak, tirpildemek. *Aýgülüň näzik dodaklary müňküldedi* (B. Kerbabaýew).

**MÜŇKÜLDEMEKLIK** [müňküllömöklük], *iş ady.* Müňküldemek ýagdaýy.

**MÜŇKÜLDETMEK** [müňküllötmök], *işl.*Herekete getirmek, gymyldatmak, tirpildetmek (dodak hakynda). *Men kepäp barýan dodaklarymy müňküldedip, bir zat diýmek isledim* (Ý. Durdyýew).

**MÜŇKÜLDEÝIŞ** [müňküllöýüş], *iş ady.* Müňküldemek ýagdaýy.

**MÜŇKÜLDI** [müňküllü], *at.* Häsiýete täsir ediji käbir ýagdaý sebäpli emele gelýän hereket, tirpildi, gymyldy. *Onuň gyzgylt ýaňaklary, ujy çowlurak burny rahat bolsa-da, çala çöwrülýän dodaklarynda biraz müňküldi syzylýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Bir ýagdaý sebäpli döreýän tolgunma, iňkis, alada, ünji. *Şol habardan soň kalbyma bir müňküldi aralaşdy.*

**MÜŇKÜR**, *syp.* Bir zada ýa-da birine doly ynam etmeýän, şübhelenip ýören, göwni iňkisli, betgüman. *Müňküriň köňlünden gitmez gümany* ("Saýatly – Hemra"). *Telbe bolup, düşdi halkyň gözünden, Bez-bez boldum müňkürleriň sözünden* (Seýdi).

**MÜŇKÜRÇILIK** [müňkürçülük], *at, ser.***Müňkürlik**. *Müňkürçilik etmek.*

**MÜŇKÜRLENMEK** [müňkürlönmök], *işl.* Müňkür bolmak, bir zat hakynda gümürtik pikirde bolmak, betgümanlyk etmek. *Onuň indi özi hem hatyň güýjüne müňkürlenip, keýpi bozuldy* (N. Saryhanow).

**MÜŇKÜRLIK** [müňkürlük], *at.* Müňkür bolmaklyk, betgümanlyk, şübhelilik. *Şol gidip baryşlaryna Agaýunusyň göwnüne bir müňkürlik gitdi* ("Görogly").

**MÜŇLERÇE** [müňlörçö], *syp.* Birnäçe müňden ybarat bolan.

**MÜŇŇÜRT**, *at.* Balygyň bir görnüşi.

**MÜŇÝYLLYK**, *at.* 1000 ýyl aralygyndaky, içindäki döwür, wagt, on asyrlyk döwür.

**MÜŇZEME** [müňzömö], *iş ady.* Müňzemek ýagdaýy.

**MÜŇZEMEK** [müňzömök], *işl.* Güýç bilen öňe hereket etmek, öňe omzamak, ümüdigiň öňe tarap edip dyzamak. *Traktor müňzäp ugrady.*

**MÜŇZEMEKLIK** [müňzömöklük], *iş ady.* Müňzemek ýagdaýy.

**MÜŇZEŞMEK** [müňzöşmök], *işl.* Ýerli-ýerden müňzemek, köp bolup omzamak.

**MÜŇZETMEK** [müňzötmök], *işl.* Öňe tarap omzatmak, uly güýç bilen dyzatmak. *Ol ýene traktory müňzetdi.*

**MÜŇZEÝIŞ** [müňzöýüş], *iş ady.* Müňzemek ýagdaýy.

**MÜRÇE-MIÝAN** [mürçö-miýa:n], *at, k.d.* Garynja billi, inçe billi (gelin-gyzlaryň bili hakynda). *Mürçe-miýan bil.*

**MÜRÄHET**, *at.* Edilýän hödür, hödür-kerem, hormat.

◊ **Mürähet etmek** teklip etmek, hödürlemek, hödür-kerem etmek, hormat etmek. **Mürähede ýakyn** hödür-kerem edilerine mähetdel, suw meýilli, çagyrybildigi bes, göwünjeň.

**MÜRÄHETSIZ** [mürähessiz], *syp.* Çagyryşa, hödür-kereme, hormata garaşman; mürähet edilmezden. *Işiginde durdy-da, Mürähetsiz ätlemän, Salam berdi ardynyp, Golun gowşuryp durman* (O. Täçnazarow).

**MÜREPBE** [müröpbö], *at.* Şeker goşulyp gaýnadylan miwe önümi. *Erik mürepbesi. Şetdaly mürepbesi.*

**MÜREWWET** [müröwwet], *at,k.d.* Rehim-şepagat,rehimdarlyk, ýagşylyk; nurbat,aman. *Bir mürewwet eýläň bize, Köňlümniň armany, gyzlar* ("Kasym oglan"). *Duşmanyň hem düşer bolsa goluňa, Owwal başda bir mürewwet gerekdir* (Magtymguly).

**MÜREWWETLI** [müröwwetli], *syp.* Mürewweti bolan, mürewwet edýän, rehim-şepagatly. *Meni mundan alyp gitdi, Mürewwetli jaýa eltdi* ("Görogly").

**MÜREWWETLILIK** [müröwwetlilik], *at.* Mürewweti, rehim-şepagaty barlyk, mürewwete eýelik.

**MÜRIT** [mürüýt], *at, dini.* Piriň şägirdi, pire gol beren, sopy. *Pir azman, mürit azmaz* (Nakyl). *Altmyşymda pire mürit bolmuşam, Pygamber ýaşyny ýaşan günlerim* (Magtymguly).

**MÜRRELIŞ** [mürrölüş], *iş ady.* Mürrelmek ýagdaýy.

**MÜRRELIŞMEK** [mürrölüşmök], *işl.* Kem-kemden mürrelmek; dura-bara mürrelmek, gysylyp, sykylyp mürrük bolmak. *Mürrelişen narjagazlar heniz hem sallanyşyp dur* (G. Kulyýew).

**MÜRRELME** [mürrölmö], *iş ady.* Mürrelmek ýagdaýy.

**MÜRRELMEK** [mürrölmök], *işl.* **1**. Doly boýuny alman, mürrük, mürşük bolmak, ýygyrt-ýygyrt bolmak, mürşermek, mürüşmek, ýüzi ýygyrt-ýygyrt bolmak.

**MÜRRELMEKLIK** [mürrölmöklük], *iş ady.* Mürrelmek ýagdaýy.

**MÜRRELTMEK** [mürröltmök], *işl.* Mürrük ýagdaýa getirtmek, mürrelmäge mejbur etmek. *Uky mürreldip barýan bolsa ýatyber.*

**MÜRRÜK**, *syp.* Kadaly ösmändigi sebäpli boýuny alman mürrelen, mürşük (gawun-garpyz, miwe hakynda). *Hem hoz gerek, hem hozuň mürrügi* (Nakyl).

**MÜRŞERIŞ** [mürşörüş], *iş ady.* Mürşermek ýagdaýy.

**MÜRŞERIŞMEK** [mürşörüşmök], *işl.* Dura-bara mürşermek, birnäçe zat mürşermek.

**MÜRŞERME** [mürşörmö], *iş ady.* Mürşermek ýagdaýy.

**MÜRŞERMEK** [mürşörmök], *işl., ser.* **Mürrelmek**. *Garpyz güldüýbüleriniň bir-iki sanysy saralyp, mürşerip başlapdyr* (N. Esenmyradow).

**MÜRŞERMEKLIK** [mürşörmöklük], *iş ady.* Mürşermek ýagdaýy.

**MÜRŞERTMEK** [mürşörtmök], *işl.* Mürşük ýagdaýa getirmek. *Ol göwnüne deglen ýaly, ýüzüni mürşerdip, naýynjarlyk bilen egnini gysdy* (N. Jumaýew).

**MÜRŞIT** [mürşüýt], *at.* Pirleriň, sopularyň ýolbaşçysy. *Bir mürşit goluny tutmasam bolmaz* ("Şasenem – Garyp").

**MÜRŞITLIK** [mürşüýtlük], *at.* Mürşidiň käri, wezipesi.

**MÜRŞÜK**, *syp.* Ýygyrt-ýygyrt bolan, gasyn-gasyn, mürşen. *Ýüzi mürşük adam. Mürşük alma.*

**MÜRT: mürdüni iýmek (çürtmek)** iň oňat zatlary öz şahsy bähbidiň üçin peýdalanmak, gülüni çirtmek.

**MÜRTÜK**, *syp.* Göýdük. *Mürtük tokly.*

**MÜRÜŞGÄR** [mürüşğä:r], *at.* Aw öwredilýän guşlaryň seýsi, aw guşlary bilen meşgullanýan. *Mürüşgärler guş edinjek bolanlarynda, eger olar höwürtgeden elguşuň ýumurtgasyny tapaýsalar, ony düýe ýüňüne dolap, biline daňýarlar* ("Watan").

**MÜRÜŞDIRMEK** [mürüşdürmök], *işl.* Mürşük ýagdaýa getirtmek, mürşük etmek. *Ol gelşiksiz ýüzüni mürüşdirdi.*

**MÜRÜŞME** [mürüşmö], *iş ady.* Mürüşmek ýagdaýy.

**MÜRÜŞMEK** [mürüşmök], *işl.* Ýygyrt-ýygyrt bolup mürrelmek, mürşermek, ýygrylmak. *Ukynyň derdinden ýüzi mürşüpdir, gasyn-gasyn bolupdyr.*

**MÜRZE** [mürzö], *at.* **1**. Edaranyň ýazuw işlerini alyp barýan işgär, kätip. **2**. Oglana dakylýan at.

**MÜSMINSOKAR** [müsmüýnsokor], *syp., ser.* **Misginsokar**.

**MÜSÜR: müsür turmak** bol hasyl bermek.

**MÜSÜRLI** [müsürlü], *at, ser.* **Müsürliler**.

**MÜSÜRLILER** [müsürlülör], *at.* Müsüriň esasy ilaty.

**MÜŞGILÇILIK** [müşğüýlçülük], *at, k.d. ser.* **Müşgillik.**

**MÜŞGILLIK** [müşğüýllük], *at, k.d.* Müşgil ýagdaý, agyr ýagdaý, kynlyk, kynçylyk, müşgilçilik.

**MÜŞK** [müşük], *at, k.d.* Keýigiň belli tohumynyň göbeginden, şeýle hem käbir ösümlikleriň kökünden, tohumyndan alynýan ýiti ysly madda. *Saçyna sepdigim müşk ile anbar* ("Saýatly – Hemra"). *Saçy müşk ysly ýufar, sünbüli-reýhan, bäri gel!* (Mollanepes).

**MÜŞKI-ANBAR** [müşkü-ammar], *at, ser.* **Müşk**.*Müşki-anbar sepilen sümmül saçyňa* (Mollanepes).

**MÜTDET** [mütdöt], *at.* **1**. *ser.* **Möhlet**. *Geler mütdetinden ötüp baradyr* ("Görogly"). **2**. Wagt, pursat, halat. *Ynha, bu mütdet her günde diňe iki gezek gaýtalanýardy* (H. Derýaýew).

**MÜTGEL** [mütgöl], *at, gepl.d., ser.* **Mytgal**.*Egnimdäki mütgel köýnegim hem öl-myžžyk*(B. Öwezow).

**MÜTI** [mütüý], *syp., gepl.d.* Özüne berk, tutanýerli, ýerlikli, pugta, düşbi. *Müti oglan*

**MÜTIJE** [mütüýjö], *syp., gepl.d.* Özüne berkje, ýerliklije, pugtaja, düşbüje. *Mütije çaga göreniňden tanadýar.*

**MÜTRÜK** [mütürük], *at.* Haýwanlara, guşlara düşýän goňrumtyl reňkli sakyrtga görnüşli möjejik.

◊ **Mütrük ýaly** ýapyşyp, ýelmeşip ýatan (adam hakynda).

**MÜTRÜKLEME** [mütürüklömö], *iş ady.* Mütrüklemek ýagdaýy.

**MÜTRÜKLEMEK** [mütürüklömök], *işl.* Mütrük düşmek, mütrük ýapyşmak. *Köşek mütrükläpdir.*

**MÜTRÜKLEMEZLIK** [mütürüklömözlük], *iş ady.* Mütrük düşmezlik.

**MÜTRÜKLETMEK** [mütürüklötmök], *işl.* Mütrük ýapyşmagyna ýol bermek, mütrük düşürmek. *Wagtynda esewan etmän, köşegi mütrükledipsiň-dä.*

**MÜTRÜKLEÝIŞ** [mütürüklöýüş], *iş ady.* Mütrüklemek ýagdaýy.

**MÜWESSA** [müwössa:] *syp., kön.s.* **1**. Ýerlikli, maksadalaýyk, dogry, göwnejaý. *Bular oýlap-ölçerişenlerinden soň ikisi iki ýerden hereket edip, barar ýaly ýere barmaly, nähak işiň bolmagyna ýol bermeli däl diýen karara geldiler we gijikdirmän, ertir ugruna çykmagy müwessa bildiler* (A. Gowşudow). **2**. *syp.* Laýyk, amatly. *Bu bize tüýs müwessa ulag eken.*

**MÜÝN**,*at.* **1**. Aýyp, ýazyk, etmiş, kemçilik. *Ol henizem özünde müýn bardyr öýdenok* (A. Durdyýew). **2**. Edilen etmiş sebäpli döreýän utanç, çekinjeňlik, ýygralyk. *Ýaş ýigidiň ýüzünden müýn perdesi syryldy* (G. Kulyýew).

**MÜÝNLI** [müýnlü], *syp.* Müýni bar, kemçiligi bar bolan, aýyply, ýazykly, etmişli. *Nurjan öz töwereginde hiç kime gözi ilmänsoň, birhili müýnli ýaly daýandy* (B. Kerbabaýew).

**MÜÝNLÜLIK** [müýnlülük], *at.* Müýni barlyk, müýnli bolmaklyk, müýnsüz dällik. *Wüşi kel müýnlülik bilen gaňrylyp, gapa seretdi* (A. Gowşudow).

**MÜÝNSÜZ**, *syp.* Müýni bolmadyk, müýni ýok, müýnli däl. *Bir müýnsüz gözel bolmaz diýen ýaly, belki, bir kemçiliksiz adam hem azdyr* (B. Kerbabaýew).

◊ **Bir müýnsüz bolup** özüni bir kemsiz hasaplap. *Töre geçen aýal maşgala bir müýnsüz bolup, töweregine serenjam berýärdi.*

**MÜÝNSÜZLIK** [müýnsüzlük], *at.* Müýnsüz bolmaklyk, müýnli dällik.

**MÜÝNÜRGEME** [müýnürğömö], *iş ady.* Müýnürgemek ýagdaýy.

**MÜÝNÜRGEMEK** [müýnürğömök], *işl.* Ýerliksiz aýdan sözüň, bolgusyz hereketiň we ş.m. ýadyňa düşüp, özüňi günäli duýmak.

◊ **Müýnürgäýin diýmezlik** edenje ýaramaz hereketi ýadyna düşüp dursa-da, özüniň günälidigini boýun almazlyk, müýnürgejek bolmazlyk. *Edeni-hä edeni weli, asyl müýnürgäýinem diýenok.*

**MÜÝNÜRGEMEKLIK** [müýnürğömöklük], *iş ady.* Müýnürgemek ýagdaýy.

**MÜÝNÜRGEMEZLIK** [müýnürğömözlük], *iş ady.* Ýerliksiz aýdan sözüň, bolgusyz hereketiň we ş.m. üçin özüňi günäli duýmazlyk.

**MÜÝNÜRGEŞMEK** [müýnürğöşmök], *işl.* Birnäçe bolup müýnürgemek.

**MÜÝNÜRGETMEK** [müýnürğötmök], *işl.* Biriniň özüni müýnli saýmagyna sebäp bolmak, müýnürgemäge mejbur etmek. *Olar jakgyldaşyp gülüşdiler, Ogulgözeli müýnürgetdiler* (B. Kerbabaýew).

**MÜÝNÜRGEÝIŞ** [müýnürğöýüş], *iş ady.* Müýnürgemek ýagdaýy.

**MÜZZERILMEK** [müzzörülmök], *işl., ser.* **Müzzermek.** *Bu sözi eşidip, ol müzzerildi.*

**MÜZZERIŞ** [müzzörüş], *iş ady.* Müzzermek ýagdaýy.

**MÜZZERIŞMEK** [müzzörüşmök], *işl.* Iki ýa birnäçe bolup müzzermek. *Näme, müzzerişip dursuňyz!*

**MÜZZERME** [müzzörmö], *iş ady.* Müzzermek ýagdaýy.

**MÜZZERMEK** [müzzörmök], *işl.* **1**. Müýnürgäp ýygryljyramak, egniňi gysmak, kiçelmek. *Ol bäş minut geçenden soň, müzzermesini bütinleý taşlady-da, ýakymsyzlyk etmäge başlady* (A. Durdyýew). **2**. Bir zatdan basylyp namartlamak, sussupeslik etmek; ejizlik etmek. *Owadan müzzerdi, ejizledi* (Ý. Durdyýew).

**MÜZZERMEKLIK** [müzzörmöklük], *iş ady.* Müzzermek ýagdaýy. *Onda müzzermeklikden nam-nyşan galmady.*

**MÜZZERTMEK** [müzzörtmök], *işl.* Birini müzzermäge mejbur etmek. *Ýeňine ak matadan ýama ýamalan don, baglary süýnüp giden şalkyldawuk çepek ony ýygrykdyrýan we müzzerdýän ýaly görkezýärdi* (N. Saryhanow).

**MYÇMAK,** *işl., gepl.d.* **1**. Gaty tizlik bilen gitmek, çalt ýöremek (maşyn, otly we ş.m. hakynda). *Tep-tekiz gara ýollarda dürli maşynlar iki ýana myçýardy.* **2**.Nyşana çenemän atmak, nyşana alman, mäşäni gysyp goýbermek. *Mergen tisginip, tüpeňini myçyp goýberipdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. *göç.m.* Gara-ýapa degirmän ýalan sözlemek, çypdyrmak, ýalan-ýaşryk toslamak. *Ýalan sözlemäniňem bir çeni-çaky bar, ýöne myçyp oturmasana!*

**MYDAM** [myda:m], *hal.* Hemme wagt, hemişe, elmydam, mydama. *Iş-pişesiz mydam bürenip ýatmak, Bir bidert sagat jana ýaraşmaz* (Baýly şahyr).

**MYDAMA** [myda:ma:], *hal, ser.* **Mydam.**

**MYDAMALAÝYN** [myda:ma:laýyn], *hal, ser.* **Mydamalyk.**

**MYDAMALYK** [myda:ma:lyk], *syp.* Hemme wagtlaýyn, mydamalaýyn, hemişelik, bakylyk, elmydamalyk. *Adamlar dutarçylaryň çykyşynyň mydamalyk muşdagy.*

**MYDAR** [myda:r], *at.* **1**. Güýç, kuwwat, gurbat, ysgyn-deramat. *Şol sapar Wepa agyr ýaralandy, onuň ýöremäge mydary galmandy* (A. Gowşudow). **2**. Sabyr, karar, takat, kanagat. *Dat eder men, ýok mydarym, Mähribanym, tur ýeriňden!* ("Görogly"). *Aýalsyza mydar bolmaz, Dönseň hökmi-Süleýmana* (Magtymguly). **3**. *ser.* **Mydara**. *Japbaklar Doýdugyň gapysyny terk edenlerinden soň, olaryň mydary has-da kynaldy* (B. Kerbabaýew).

◊**Mydar etmek** ýagdaýa görä gün geçirmek, oňşuk etmek, oňňut etmek.

**MYDARA** [myda:ra], *at.* Gün-güzeran, ykdysady hal-ýagdaý, oňňut, oňşuk.

**MYDYRDAMA,** *iş ady.* Mydyrdamak ýagdaýy.

**MYDYRDAMAK,** *işl.* Ýuwaşjadan geplemek, çala eşidiler ýaly geplemek, gürlemek, mydyr-mydyr etmek. *Ol kagyzlary birin-birin okap, öz içinden mydyrdady.*

**MYDYRDAMAKLYK,** *iş ady.* Mydyrdamak ýagdaýy.

**MYDYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Mydyr-mydyr edip geplemezlik.

**MYDYRDAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden mydyrdamak, birnäçe bolup mydyrdamak.

**MYDYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Mydyrdamak ýagdaýy.

**MYDYRDY,** *at.* Mydyrdap geplenende çala eşidilýän sesiň ady.

**MYDYR-MYDYR**, *s.ş.aňl.söz.* Ýuwasjadan gürlenip otyrka çykýan sesler.

**MYDYRT: mydyrt etmek** [mydyrt^detmek]biri ýa-da bir zat hakynda çala agzaw etmek, agzamak, dil ýarmak. *Özi ýatlamasa, şol hakda mydyrt hem etme.*

**MYGYLDY** [myğylly], *at.* Köpçülikleýin gymyldy, hereket. *Hiňňildigiň daşy adamdan mygyldy bolup durdy.*

**MYH** [my:h], *at.* Atyň toýnagyna nal kakylanda ulanylýan ýörite ýasalan çüý.

◊ **Myh ýaly** örän berk, örän pugta.

**MYHAK** [my:hak], *at.* Dänesi derman hökmünde ulanylýan, ýakymly ysly, gülli ýabany ösümlik.

**MYHLAMA** [my:hlama], *işady.* Myhlamak ýagdaýy.

**MYHLAMAK** [my:hlamak], *işl.* Myh kakyp berkitmek, myh urmak, çüýlemek.

**MYHLAMAKLYK** [my:hlamaklyk], *iş ady.* Myhlamak ýagdaýy.

**MYHLAŞMAK** [my:hlaşmak], *işl.* **1**. Myhlamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup myh urmak, myh kakmak.

**MYHLATMAK** [my:hlatmak], *işl.* Başga birine myh urdurmak, myh kakdyrmak.

**MYHLAÝYŞ** [my:hlaýyş], *iş ady.* Myhlamak ýagdaýy.

**MYHMAN** [my:hma:n], *at.* **1**. Biriniň öýüne görme-görşe, gezelenje gelen adam, gonak; bir sebäp bilen biriniň öýünde düşlän adam. *Mert çykar myhmana güler ýüz bile, Namart özün gizlär, myhman ýoluksa* (Magtymguly). **2**. Ýygnaga, maslahata we ş.m. başga ýerden çagyrylan adam. **3**. Bir ýere seýrek gelip-gidýän adam. *Ol hemişe öýüne myhmandy, mydama iş saparynda bolýardy.*

◊ **Myhman almak 1)** başga ýerden gelen bir adamy bir-iki günlük onuň haýyşyna görä wagtlaýynça öýüňde saklamak. **2)** *göç.m.* ölen adamy dürli sebäplere görä ölen güni jaýlaman, ertire çenli saklamak. **Myhman bolmak** biriniň öýünde belli bir möhlete çenli galmak, wagtlaýyn düşlemek. **Myhman gelmek** durmuşa çykýan gyzy äkitmäge gelnalyjy gelmek. **Taňry myhmany** tötänden gelen myhman.

**MYHMANÇYL** [my:hma:nçyl], *syp., ser.* **Myhmansöýer**.*Aksakgal gaty myhmançyl hem şahandaz adam bolupmyş* (N. Pomma).

**MYHMANÇYLYK** [my:hma:nçylyk], *at.* **1**. *ser.* **Myhmanlyk**.*Gadym wagtlarda bir adam öz doganynyňka myhmançylyga düýeli gelipdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Biriniň öýünde geçirilýän oturylyşyk, üýşüşip edilýän söhbetdeşlik. *Öten agşam myhmançylykda bolup, öýüne gijäniň bir wagtlary dolanyp gelipdi* (B. Seýtäkow).

**MYHMAN-GARA** [myhma:n-ğara], *at.* Myhman adam, bir öýe gelen goňşy-golam ýa-da ýat adam. *Toý sowlan dessine toý ýerinde myhman-gara görünmedi.*

**MYHMANHANA** [my:hma:nha:na], *at.* Başga ýerlerden gelýän myhmanlar wagtlaýynça ýaşar ýaly ýörite gurnalan köp otagly jaý.

**MYHMANLAMAK** [my:hma:nlamak],*işl.* Öýüňe gelen myhmana hezzet-hormat etmek; myhman hökmünde garşylamak. *Çaňly salamdan soň, özüniň ötegçidigini, eger mümkinçiligi bar bolsa, bir myhmanlap, çaý-suw bermegini sorady* ("Aşyk Çaňly"). *Bu gije ony özüniň myhmanlamak isleýänini aýtdy* (B. Seýtäkow).

**MYHMANLYK** [my:hma:nlyk], *at.* **1**.Myhman bolmaklyk, myhman bolup barmaklyk; myhmanyň ýagdaýy. **2**. Myhmana degişli, dahylly. *Myhmanlyk işim bar*

**MYHMAN-MEDIWAN** [my:hma:n-meduwa:n], *at, ser.* **Myhman we mediwan.**

**MYHMANPARAZ** [my:hma:nparaz], *at, syp., ser.* **Myhmansöýer**.

**MYHMANPARAZLYK** [my:hma:nparazlyk], *at, ser.* **Myhmansöýerlik**.

**MYHMANSÖÝER** [my:hma:nsöýör], *syp.* Myhmana gowy hezzet-hormat edýän, myhmanyň sarpasyny tutýan, myhmanyny sylaýan, myhmançyl.

**MYHMANSÖÝERLIK** [my:hma:nsöýörlük], *at.* Myhmansöýer bolmaklyk, myhmançyllyk, myhmanyň sarpasyny tutmaklyk, myhmanparazlyk.

**MYHMANSÖÝÜJILIK** [my:hma:nsöýüjülük], *at, ser.* **Myhmansöýerlik.** *Biz ähli ýerlerde myhmansöýüjiligi, mähremligi, ýürekdeşligi gördük* ("Edebiýat we sungat").

**MYJABAT** [myja:vat], *at.* Nähak ýere ýöňkelen günä, töhmet, şyltak.

**MYJABATÇY** [myja:vatçy], *at.* Töhmet atyjy, şyltakçy, ýersiz ýere birine aýyp ýöňkeýji.

**MYJABATÇYLYK** [myja:vatçylyk], *at.* Töhmet atyjylyk, şyltakçylyk, aýyp ýöňkeýjilik.

**MYŽŽARMA**, *iş ady.* Myžžarmak ýagdaýy.

**MYŽŽARMAK**, *işl.* Suwy, şiresi çykyp durmak, ezilip, owlup, zaýalanyp myžžyk bolmak. *Çelekdäki üzümler birnäçe gün geçenden soň myžžaryp başlady,*

**MYŽŽARTMAK**, *işl.* **1**. Myžžyk etmek, ezip, basyp, suwuny, şiresini çykarmak. *Erän gurşun ýaly ürgün çäge onuň dabanynyň astynda myžžaryp, yzynda hatara çukanak galdyrýardy* (B.

Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Myžžygyny çykarmak, mynjyratmak.

**MYŽŽYK**, *syp.* Suwa mazaly ezilen, öl bolan, öl-suw, sykybermeli**.** *Derlemekden ýaňa onuň köýnegi myžžyk boldy* (N. Jumaýew).

◊ **Myžžygyny çykarmak** birini mazaly urmak, suwasalma edip urmak, gaty urmak.

**MYKRAZ** [mykyra:z], *at.* Sakgal, murt bejermek üçin ulanylýan kiçijikgaýçy. *Meret mykraz haltany alyp, tamyň güneş ýüzüne çykdy* (A. Durdyýew).

**MYLAKAT** [myla:kat], *at.* Hoşamaýlyk, mylaýymlyk, ýakymlylyk, mähir, ýüzi açyklyk. *Är öýüne är ger, mylakat görse, Ýüz tapmasa, gelmez çagyrmak bilen* (Zelili).

**MYLAKATLY** [myla:katly], *syp.* Mylakaty bar bolan, mylaýym, ýakymly, hoşamaý. *Müdir pessaý ses bilen mylakatly sözledi* (B. Kerbabaýew).

**MYLAKATLYLYK** [myla:katlylyk], *at.* Mylakatly bolmaklyk,ýakymlylyk, mylaýymlyk, hoşamaýlyk.

**MYLAKATSYZ** [myla:kassyz], *syp.* Mylakaty bolmadyk, ýakymsyz, mylaýym däl, hoşamaý däl.

**MYLAKATSYZLYK** [mylakassyzlyk], *at.* Mylakaty bolmazlyk, mylakaty ýokluk, mylakatly dällik, mylaýym dällik, hoşamaý dällik, ýakymsyzlyk.

**MYLAÝYM** [myla:ýym], *syp.* **1**. Jana hoş ýakýan, göwne ýaramly, ýakymly. *Onuň gyýyk gaşlarynyň astynda mylaýym bakyşly, kän gülmezek, dolan Aý ýaly tegelenip duran dury mawy gözleri bardy* (T. Gurbanow). **2**. Maýyl, salkyn, ne yssy, ne-de sowuk, hoştap, aram. *Alabaharyň mylaýym güni Garaguma ölçegsiz nuruny döküp başlady* (B. Kerbabaýew). **3**. Birneme ýyly, dişi döwlen, ne gyzgyn, ne sowuk. *Mylaýym suw.* **4**. *göç.m.* Açyk göwünli, hoş gylykly, hoşgylaw, ýakymly, mylakatly, sypaýy. *Mylaýym gyz.* **5**. Gyza dakylýan at.

**MYLAÝYMLANMAK** [myla:ýymlanmak], *işl.* **1**. Mylaýym bolmak, maýlamak, ýylamak. *Howa mylaýymlandy.* **2**. *göç.m.* Mylaýym häsiýete eýe bolmak.*Ol derrew mylaýymlanýardy.*

**MYLAÝYMLAŞMAK** [myla:ýymlaşmak], *işl., ser.* **Mylaýymlanmak**.*Howa ertirden soň mylaýymlaşdy.*

**MYLAÝYMLYK** [myla:ýymlyk], *at.* Mylaýym halda bolmaklyk.

**MYLAÝYMSYRAMAK** [myla:ýymsyramak], *işl.* Özüňi mylaýym görkezjek bolmak, mylaýym bolan bolmak, mylakatly, sypaýy bolan bolmak. *Göz-görtele mylaýymsyramak bilen gyzlaryna uzakdan gep aýlap, maksadyny aňdyrmaga başlady* (N. Jumaýew).

**MYLKARMA**, *iş ady.* Mylkarmak ýagdaýy.

**MYLKARMAK**, *işl.* Mylkyk bolmak, ýumşap tulkarmak, tultuk bolmak. *Üzüm mylkarypdyr.*

**MYLKARMAKLYK**, *iş ady.* Mylkarmak ýagdaýy.

**MYLKARYŞ**, *iş ady.* Mylkarmak ýagdaýy.

**MYLKY**, *syp.* Semizlik sebäpli mylkaryp, mylkyldap duran. *Ol mylky göwresini zordan tutýardy.*

**MYLKYK**, *syp.* Mylkyldap duran, myltyk. *Mylkyk üzüm.*

**MYLKYLDAMA** [mylkyllama], *iş ady.* Mylkyldamak ýagdaýy.

**MYLKYLDAMAK** [mylkyllamak], *işl.* Ýumşaklyk sebäpli mylkaryp durmak. *Ak elleriň mylkyldaýan aýasy gatap ýetişmändir.*

**MYLKYLDY** [mylkylly], at. Mylkyldamak netijesinde emele gelýän ýagdaý we onuň ady.

**MYLLARMA**, *iş ady.* Myllarmak ýagdaýy.

**MYLLARMAK**, *işl.* Bir zat sebäpli süllermek, gowşamak, ysgynsyzlanmak (adam hakynda). *Sen näme beýdip myllaryp otyrsyň , dogumlyrak bolarlar.*

**MYLLARMAKLYK**, *iş ady.* Myllarmak ýagdaýy.

**MYLLYK**, *işl.* **1**. Gowşak, bedeni berkemedik, goram-gowşak. **2**. Emelsiz, ebeteýi ýok.

**MYLLYKLYK**, *at.* **1**. Gowşaklyk, bedeni berkemedik ýagdaýda bolmaklyk. **2**. Emelsizlik, ebeteýi ýokluk. *Myllyklygy bilen-de oňuşsa boljak welin, ol özbaşyna bir hili adam.*

**MYLTYK I**, *syp.* Myssyk, myssaran. *Myltyk üzüm.*

**MYLTYK II**, *syp., gepl.d., ser.* **Tüpeň.**

**MYLTYKLYK**, *at.* Myssaran şekilde bolmaklyk, myssyklyk. *Üzümiň bu myltyklygy bilen ony ýerläp biläýseň ýagşy.*

**MYMAN** [my:ýma:n] *at, gepl.d., ser.* **Myhman**. *Gum iline düşdüm myman, Saçak açdy gumly gelin* (K. Gurbannepesow).

**MYMYJAK** [my:ýmyjak], *syp., ser.* **Mymyk**. *Sen bujagaz mymyjak eliň bilen meniň gulagymy agyrdasyň ýok* (B. Pürliýew).

**MYMYK** [my:ýmyk], *syp.* **1**. Örän mylaýym, hoştap, ýakymly. *Mymyk şemal öwüsýärdi.* **2**. Pagta ýaly ýumşak; näzik. *Mymyk el.*

**MYMYLDAMA** [my:ýmyllama], *iş ady.* Mymyldamak ýagdaýy.

**MYMYLDAMAK** [my:ýmyllamak], *işl.* Endigan yrgyldap durmak, emaý bilen gymyldamak, assaja ýaýkanmak.

**MYMYLDAŞMAK** [my:ýmyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden mymyldamak.

**MYMYLDAÝYŞ** [my:ýmyllaýyş], *iş ady.* Mymyldamak ýagdaýy.

**MYMYLDY** [my:ýmylly], *at.* Endigan yrgyldyly hereket, birsydyrgyn siňňin gymyldy we onuň ady.

**MYNAJAT** [myna:jat], *at.* Ýekelikde hudaýa ýalbaryp, doga okap edilýän dileg. *Mejnun, gul sen, haka eýle mynajat, Derdiň aýdyp ýygla, dilegil hajat* ("Leýli – Mejnun"). *Şasenem atasyny tanap, utanyp, hudaýa mynajat edip, bir gazal aýtdy* ("Şasenem – Garyp").

**MYNASYBET** [myna:sy:vet], *at.* Bir zat bilen bolan baglanyşyk; bir zada bolan gatnaşyk. *Özige hiç munus tapmaý ýörer erdi, keýikler birle mynasybeti ýok erdi* ("Ýusup Hoja").

**MYNASYBETLI** [myna:sy:vetli], *hal.* Bir zadyň hormatyna bagyşlanan, bir sene, waka bilen baglanyşygy bolan.

**MYNASYP** [myna:sy:p], *syp.* **1**. Biri-birine laýyk, deň, barabar, taý. *Men seniň özüňe mynasyp ýigide miýesser bolmagyňy isleýän* (B. Kerbabaýew). **2**.Bir zada degişli, gelşikli; degerli, laýyk.

◊ **Mynasyp bolmak** biri-birine laýyk bolmak.

**MYNASYPLYK** [myna:sy:plyk], *at.* Mynasyp bolmaklyk, laýyk, taý gelmeklik.

**MYNÇGALAMA** [mynçğalama], *iş ady.* Mynçgalamak ýagdaýy.

**MYNÇGALAMAK** [mynçğalamak], *işl.* Yzly-yzyna mynçgamak, mynjamak. *Akjagül ýene-de ýogyn saçynyň tarlaryny mynçgalap başlady* (B. Seýtäkow).

**MYNÇGALAMAKLYK** [mynçğalamaklyk], *iş ady.* Mynçgalamak ýagdaýy.

**MYNÇGALANMAK** [mynçğalanmak], *işl.* Eliň içi bilen yzly-yzyna mynçgalmak, mynjalmak, mynjyradylmak. *Mynçgalanan möhürli kagyz şahyryň elinden gaçdy* ("Edebiýat we sungat").

**MYNÇGALAÝYŞ** [mynçğalaýyş], *iş ady.* Mynçgalamak ýagdaýy.

**MYNÇGAMA** [mynçğama], *iş ady.* Mynçgamak ýagdaýy.

**MYNÇGAMAK** [mynçğamak], *işl.* Bir zady eliň içi bilen mynjamak, owkalamak, owmak, mynçgalamak, mynçgalap mynjyratmak. *Ol elindäki gazeti gahar bilen mynçgap gysdy, onuň gözünde gazap uçgunlary ýalpyldady* (N. Jumaýew).

**MYNÇGAMAKLYK** [mynçğamaklyk], *iş ady.* Mynçgamak ýagdaýy.

**MYNÇGAÝYŞ** [mynçğaýyş], *iş ady.* Mynçgamak ýagdaýy.

**MYNDY-MYNDY** [mynny-mynny]: **myndy-myndy etmek** pert bir zat diýmän, agzy gowuşmaýan ýaly, manysyz bir zatlar aýdyp oturmak. – *Näme diýjek bolsaň, düşnüklиräk aýt, ýöne myndy-myndy edip otyrsyň?!*

**MYNJAMA**, *iş ady., gepl.d.* Mynjamak ýagdaýy.

**MYNJAMAK**, *işl., gepl.d. ser.* **Mynçgamak**.

**MYNJYRAMA**, *iş ady.* Mynjyramak ýagdaýy.

**MYNJYRAMAK**, *işl.* Daşky güýjüň güýçli täsiri netijesinde üstünden basylyp owulmak, pytramak, ezilmek. *Erik mynjyrapdyr.*

**MYNJYRATMAK,** *işl.* Agyr zat üstünden düşüp owmak, pytratmak, ezmek.

**MYŇK: myňk etmek** biri ýa-da bir zat hakynda dil ýarmak, gürrüň etmek, sesiňi çykarmak, hyňk-myňk etmek. *Şu günki gören zatlaryň hakynda myňk edäýseň, özüňe-de gowy bolmaz.*

**MYŇŇYLDAMAK** [myňňyllamak], *işl.* **1**. Burnuňa salyp geplemek, myňňy-myňňy edip geplemek, maňňyldamak. *Myňňyldama-da, düşnüklиräk edip aýtsana!* **2**. Semizlikden ýaňa tenesi ýup-ýumşak bolup durmak, tulkuldap durmak. *Myňňyldap duran goýun.*

**MYŇŇYLDY** [myňňylly], *at.* Burna salyp geplenende çykýan ses.

**MYRAT** [myra:t], *at.* **1**. Ýürekde beslenen arzuw, isleg, niýet, maksat. *Ýigidiň myrady atdyr* ("Görogly"). **2**. Oglana dakylýan at.

**MYRLAMA**, *iş ady.* Myrlamak ýagdaýy.

**MYRLAMAK**, *işl.* **1**. Myrryldyly ses çykarmak, myr-myr etmek (pişik hakynda). *Pişik maňa ýakynlaşyp myrlap başlady.* **2**. Çalaja hor çekip, süýji ukuda ýatmak. *Çagajyk ylgap ýadan bolsa gerek, şol myrlap ýatyşy.*

**MYRLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe adam myrlamak. *Myhmanlar myrlaşyp ýatyrdylar* (B. Kerbabaýew).

**MYRLAÝYŞ**,*iş ady.* Myrlamak ýagdaýy.

**MYRRYH** [myrry:h] **I**, *at.* Nejis, haramzada, ýigrenji, ýaramaz; şer araýan.

◊**Myrryhyň atlanmak** gaty gaharyň gelmek, jynyň atlanmak. **Myrryhyň tutmak** *ser.* **Myrryhyň atlanmak**.

**MYRRYH** [myrry:h] **II**, *at. asman j.* Göwrümi Ýeriň gowrüminiň altydan birine we agramy Ýeriň agramynyň dokuzdan birine golaý bolan, Günden uzaklygyna görä dördünji orunda ýerleşýän, seýrek atmosferaly Mars planetasy (saýýara). *Aý-Gün batyp, gökde Myrryh göründi, Bulutlar boldular baran, Çowdur han* (Magtymguly).

**MYRRYHLYK** [myrry:hlyk], *at.* Şer gözleýän ýagdaýda bolmaklyk, ýigrenji häsiýetlilik. *Onuň henizem şol myrryhlygy eken.*

**MYRRYLDAMAK** [myrryllamak], *işl., ser.* **Myrlamak.**

**MYRRYLDAŞMAK** [myrryllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup myrryldamak.

**MYRRYLDY** [myrrylly], *at.* Pişik myrlanda ýa-da adam süýji uka gidende agyz-burun boşlugyndan çykýan sesiň ady. *Pişigiň myrryldysy.*

**MYRTAR** [myrta:r], *syp.* Erbet, ýaramaz, murdar. *Zelili, sygyn Jepbara, Uýma her ýeten myrtara* (Zelili). *Sen, myrtar gyrnak, it aýagyny iýen ýaly ygýarsyň!* (B. Kerbabaýew).

◊**Myrtaryňy aşyrmak** betgelşik görnüşde bolmak, pisiňi aşyrmak, ýaramaz, nejis görünmek, mysalaňy üýtgetmek. *Näme myrtaryňy aşyryp ýatyrsyň, tur-da gazanyň astyna ot ýak* (A. Gowşudow).

**MYRTARLANMAK** [myrta:rlanmak], *işl.* Myrtar bolmak, ýaramaz bolmak, erbetleşmek, pis bolmak.

**MYRTARLYK** [myrta:rlyk], *at.* Myrtar gylyk-häsiýetlilik, ýaramazlyk, erbetlik, pislik.

**MYRTARLAŞMAK** [myrta:rlaşmak], *işl., ser.* **Myrtarlanmak.**

**MYSAL** [mysa:l], *at.* **1**. Bir zat düşündirilende, tassyklanjak bolnanda, subut edilende getirilýän delil, subutnama, tassyklaýjy nusga, meselem. **2**. *mat.* Sanlar bilen işlenýän matematiki aňlatma, gönükme. *Mysal işlemek.*

◊ **Mysal almak** görelde, tälim almak, öwrenmek üçin nusga getirmek. **Mysal üçin** bir zat düşündirilenden soň "mysal bolar ýaly, mysal hökmünde, meselem"diýen manyda aýdylýan giriş sözi.

**MYSALA** [mysa:la], *at.* Daşky görnüş, sypat, görk-görmek, keşp; ýüz. *Dogrusy, mysalasyny görüp, inim jümşüldäp gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**MYSALY** [mysa:ly], **1**. *Ýaly, kimin, dek, misli, göýä* kömekçileriniň manysynda gelip, deňeşdirmegi aňladýan sözsoňy kömekçi. *Söýgüsi ýoguň ýüregi mysaly daşa meňzär (Aýdymdan). Baba hem ýap gazýar jahyl mysaly* (N. Pomma). **2**. Nusga bolarlyk, takmyny. *Okuw ýylynyň mysaly meýilnamasy taýýarlandy.*

**MYSAPYR** [mysa:pyr], *syp.* **1**. Başga ýerden, ýurtdan gelen. **2**. Garyp, pukara, biçäre, goldawsyz, kömege mätäç, ejiz.*Köp gallaçlyk çekdim mysapyr bolup* (Kerim Garaja).

**MYSAPYRÇYLYK** [mysa:pyrçylyk], *at, ser.* **Mysapyrlyk**.

**MYSAPYRLYK** [mysa:pyrlyk], *at.* **1**. Mysapyr ýagdaýynda bolmaklyk. *Ýat illerde mysapyrlyk çekenden, Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy* (Magtymguly). **2**. Garyplyk, pukaralyk, biçärelik, goldawsyzlyk. *Mysapyrlykda göwün açyşmak üçin men olar bilen gürrüňdeş boldum* (B. Kerbabaýew).

**MYSAPYRSYRAMAK** [mysa:pyrsyramak], *işl.* Özüňi mysapyr görkezmäge, mysapyra meňzemäge çalyşmak, mysapyr bolan bolmak. *Sen hem mysapyrsyran bolma* (B. Seýtäkow).

**MYSGAL** [mysğa:l], *at.* **1**. 4,26 grama deň bolan agyrlyk ölçegi. **2**. *göç.m.* Sähelçe, dynnym ýaly, az mukdarda, ujypsyzja. *Tüýs kelpeň ekeni, munuň kellesinde bir mysgal-da akyly ýok eken* (A. Durdyýew).

◊ **Bir mysgal bolmak** gaty bezenmek, kaşaň geýinmek.

**MYSGALLYK** [mysğa:llyk], *syp.* Mysgala deň, mysgala barabar. *Seniň kelläňde mysgallygam akyl ýok.*

**MYSGALLAMAK** [mysğa:llamak], *işl.* Mysgal-mysgal edip çekmek, bölmek, mysgallara deň etmek. *Olar alan zatlaryny mysgallap böldüler.*

**MYS-MYS**: **mys-mys gülmek** ýuwaşja, sessiz, mylaýym gülmek.

**MYSSA**: **myssa ýylgyrmak** mylaýym ýylgyrmak, birden ýuwaşja ýyrşarmak. *Altyn myssa ýylgyryp, dyzynyň üstünden işini aýryp, gapdalynda goýdy* (A. Durdyýew).

**MYSSARMA**, *iş ady.* Myssarmak ýagdaýy.

**MYSSARMAK**, *işl.* **1**. Myssyk bolmak, terligi gitmek, ýumşamak (ir-iýmiş, miwe hakynda). *Güne ýatan gawunlar myssarypdyr.* **2**. Içi howadan, suwuklykdan doly zatlar gowzamak, dykyzlygy gaçmak, ýelini goýberip ýumşamak. **3**. *göç.m.* Solgun we öçgün görünmek, peti gaçmak, durulygy gitmek, süllermek. *Gözi ýaşly ýellenipdir gabaklar, Ýygyrt atyp, myssarypdyr ýaňaklar* (A. Kekilow).

**MYSSARMAKLYK**, *iş ady.* Myssarmak ýagdaýy.

**MYSSARTMAK**, *işl.* Myssyk ýagdaýa getirmek, terligini gidermek.

**MYSSARYŞ**, *iş ady.* Myssarmak ýagdaýy.

**MYSSARYŞMAK**, *işl.* Myssaryp, ýumşaşyp başlamak, terligi gaçyşmak (ir-iýmişler, miweler hakynda).

**MYSSYK**, *syp.* **1**. Terligi giden, myssaran, ýumşan. *Myssyk gawun.* **2**. Ýaňy bişen, täze, ýumşak, içi öýjük-öýjük (çörek hakynda). *Pagta ýaly myssyk bişen çörekde, Juwan gelniň ussat golnuň zory bar* (M. Myşşyýew). **3**. *göç.m.* Näzik, ýumşajyk, enaýy, ýakymly. *Jelilow öz adyny aýdyp, onuň pamyk ýaly myssyk elini gysdy* (N. Jumaýew).

**MYSSYLDAMA** [myssyllama], *iş ady.* Myssyldamak ýagdaýy.

**MYSSYLDAMAK** [myssyllamak], *işl.* Myssyldyly ses çykarmak.

**MYSSYLDATMAK** [myssyllatmak], *işl.* Ýuwaşja ses bilen demiňi burnuňdan goýbermek ýa-da burnuňdan dem almak, myssyldyly ses çykarmak. *Maýsajyk burnuny myssyldatdy* (B. Kerbabaýew).

**MYSSYLDAÝYŞ** [myssyllaýyş], *iş ady.* Myssyldamak ýagdaýy.

**MYSSYLDY** [myssylly], *at.* Asuda alynýan dem, burnuňdan dem alnanda ýa-da goýberilende çykýan ýuwaş sesiň ady. *Süýji ukuda ýatanlaryň myssyldysyndan başga zat eşidilmeýärdi.*

**MYSYLAMA**, *iş ady.* Mysylamak ýagdaýy.

**MYSYLAMAK**, *işl., ser.***Myssyldamak**. *Salkyn bilen ugraly diýip, iz hem mysylap ýatyrmyň?* (N. Pomma).

**MYSYLAMAKLYK**, *iş ady.* Mysylamak ýagdaýy.

**MYSYLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup mysylamak, ýerli-ýerden bir wagtda mys-mys etmek.

**MYSYLAŞYŞ**, *iş ady.* Mysylaşmak ýagdaýy.

**MYSYLAÝYŞ**, *iş ady.* Mysylamak ýagdaýy.

**MYŞ**,*at, ser.***Myş-myş**. *Hergiz myş habar tiz ýaýraýar.*

**MYŞLAMAK** [myşylamak], *işl.* Burnuňdan sesli dem almak. *Iki sany gara sygyr myşlap ýatyr* (N. Saryhanow). *Mapbagyň burny myşlady* (B. Kerbabaýew).

**MYŞLAMAKLYK** [myşylamaklyk], *iş ady.* Myşlamak agdaýy.

**MYŞLAŞMAK** [myşylaşmak], *işl.* Birnäçe bolup myşlamak, ýerli-ýerden myşlamak. *Mallar myşlaşyp, kölüň gyrasyna çykdylar.*

**MYŞLAÝYŞ** [myşylaýyş], *iş ady.* Myşlamak ýagdaýy.

**MYŞ-MYŞ**, *at.* Il arasyna ýaýraýan ýalan habar, toslama, çaklama, myş.

**MYŞ-MYŞLY**, *syp.* Ýalan, ýalan-ýaşryk, nädogry. *Şeýdip, her hili myş-myşly rowaýatlar döreýär* (A. Atajanow).

**MYŞSA** [my:şsa], *at, ser.* **Muskul**.

**MYTARA** [myta:ra], *at.***1**. Ýanyň bilen göterilýän kiçijik suw gaby. *Ol mytarasyndan kürüşgelere bir zat guýýardy* (A. Gowşudow). **2**. Teletinden ýa-da deriden edilen suw gaby. *Mytaradaky suw yslanypdyr* ("Görogly").

**MYTDYLDABERMEK** [mytdylla:vermek], *işl.* Mytdyl-mytdyl edip ýöräbermek; mytdyldyňy dowam etdirmek.

**MYTDYLDAMA** [mytdyllama], *iş ady.* Mytdyldamak ýagdaýy.

**MYTDYLDAMAK** [mytdyllamak], *işl.* Örän ýuwaş ýöremek, haýal gitmek. *Şol wagt ýol bilen Mergen aga mytdyldap gelýärdi* (A. Durdyýew).

**MYTDYLDAŞMAK** [mytdyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup assa, ýuwaş ýöremek. *Mytdyldaşyp gelýän sygyrlar bir ýana sowuldy.*

**MYTDYLDATMAK** [mytdyllatmak], *işl.* Örän ýuwaş ýöretmek, haýal ýöretmek. *Annaguly ýabysyny mytdyldadyp guýa bardy* (A. Durdyýew).

**MYTDYLDAÝYŞ** [mytdyllaýyş], *is ady.* Mytdyldamak ýagdaýy.

**MYTDYLDY** [mytdylly], *at.* Mytdyl-mytdyl edip ýöreýiş we şol ýöreýşiň ady.

**MYTDYL-MYTDYL**, *s.ş.aňl.söz.* Haýal, haýal-ýagal, assa, ýuwaş ýörelende emele gelýän şekil. *Mytdyl-mytdyl edip ýöremek.*

**MYTGAL** [mytga:l], *at.* Nah matanyň bir görnüşi. *Ak mytgaldan tikilen balagyň dyzlary ýyrtykdy* (B. Seýtäkow).

**MYZAHAR** [myza:ha:r], *at, k.d.* Mätäç, zar, zelil. *Men dünýä malyna myzahar däldirin* ("Türkmen halk ertekileri").

**MYZAGA** [myza:ğa]**:myzagasyna däl** piňine däl. *Aýdanyň, aýtmanyň bir, myzagasyna däl.*

**MYZAPYR** [myza:pyr], *syp., ser.* **Mysapyr 2.** *... Gepläp bilmän duran Gutlymyrat: – Gandym aga, bu gulaty galada heleýleriň arasynda meniň ýaly myzapyrlaryň üstüne çişmäge batyrdyr...– diýdi* (A. Gowşudow).

**MYZAÝYK** [myza:ýyk], *at.* Kynçylyk.

◊ **Myzaýyk etmezlik** zähmet bilmezlik, kyn görmezlik, göwnüňe almazlyk, göwün-kine etmezlik. *Düýeler uzak ýoly myzaýyk etmän, äwmezlik bilen gadam urýardylar* (B. Kerbabaýew).

# N

**N**, Türkmen elipbiýiniň on altynjy harpy.

**NABAT** [nava:t], *at.* **1**. Ergin şekerden gaýnadylyp taýýarlanýan süýji. *Olaryň öňünde bir tamdyr çörek, diş-diş nabat, ajy demlenen çaý goýdy* (B. Seýtäkow). **2**. Gyza dakylýan at.

**NAÇAR** [na:ça:r], *syp.* **1**. Ejiz, biçäre, betbagt, görgüli. *Naçar ene.* **2**. Alaçsyz, bialaç, çäresiz, çykalga tapmaýan. **3**. *göç.m.* Aýal, gyz maşgala. *Indem ol naçaryň öňki adamsy gününe goýmaýarmyş* (G. Ezizow).

**NAÇARLABERMEK** [na:ça:rla:vermek], *işl.* Ejizläp ugramak, naçarlap başlamak.

**NAÇARLAMA** [na:ça:rlama], *iş ady.* Naçarlamak ýagdaýy.

**NAÇARLAMAK** [na:ça:rlamak], *işl.* Ejizlemek, özüňi çäresiz ýagdaýda duýmak, ejizlemek. *–Wah, beýdäýersiň öýtmändim – diýip naçarlady.*

**NAÇARLANMAK** [na:ça:rlanmak], *işl.* Naçar ýagdaýda bolmak, ejizlemek.

**NAÇARLATMAK** [na:ça:rlatmak], *işl.* Birini ejizletmek, naçarlyk etdirmek.

**NAÇARLYK** [na:ça:rlyk], *at.* Naçar ýagdaýda bolmaklyk, ejizlik, biçärelik. *Gülzar özüniň jigerbendine iň soňky gezek naçarlyk bilen göz gyýtagyny aýlady* (B. Soltannyýazow).

**NADAN** [na:da:n], *syp.* **1**. Medeniýetden yza galan, däbi-dessury bilmeýän, düşünjesi az, gaflat ukusynda ýatan. **2**. Sowatsyz, okuwsyz. **3**. Akylsyz, akmak, biakyl, edep-ekramsyz, terbiýesiz. *Duşdum üm bilmez nadana, Bir gadrym bilen islärin* (Magtymguly).

**NADANÇYLYK** [na:da:nçylyk], *at, ser.***Nadanlyk**.

**NADANLYK** [na:da:nlyk], *at.* **1**. Medeniýetden yza galaklyk, urp-adaty bilmezlik, aň-düşünjesi azlyk. *Sowatsyzlyk we nadanlyk göýä bir tümlükdir* ("Türkmenistan"). **2**. Sowatsyzlyk, okuwsyzlyk. **3**. Akylsyzlyk, akmaklyk, edep-ekramsyzlyk. *Onuň umumy keşbinde nadanlyk syzylýardy* (G. Kulyýew).

**NADARA** [nadara:], *syp.* Bihaýalyk bilen gykylyk, galmagal turuzýan, şerçi, haýýar, şermende. *Nadara aýal.*

**NADARAÇYLYK** [nadara:çylyk], *at, ser.* **Nadaralyk**.

**NADARALYK** [nadara:lyk], *at.* Bihaýalyk bilen gykylyk, galmagal turuzmaklyk, haýýarlyk, şermendelik. *Nadaralyk edip sypmarsyň!*

**NADYL** [na:dyl], *hal.* Bir zatdan göwni galan, göwnüne deglen, närazy, nägile. *Şükür, biriçe bar paýym, Nadyl bolmaga hakym ýok* (G. Daşgynow).

**NADYLLYK** [na:dyllyk], *at.* Bir zatdan göwni galan halda bolmaklyk, närazylyk, nägilelik. *Goja Ýunus onuň nadyllygynyň düýpdendigini aňdy* (S. Myradow).

**NAGARA** [nağara], *at.* Ýüzüne çig deri çekilen, çanagy uly suw kädisinden ýasalan we kakylyp çalynýan saz guraly, depregiň bir görnüşi. *Gümmür-gümmür nagaralar uruldy* ("Kitaby dedem Gorkut").

◊ **Nagaraňy dökmek** birine ajyňy pürkmek, teýene etmek, käýinip gaharlanmak. *Sen meniň üstüme nagaraňy dökjek bolýarsyň* (N. Pomma).

**NAGARAÇY** [nağaraçy], *at.* Nagara kakýan adam.

**NAGDALY** [nağda:ly], *at, zergärç.* Dörtburç, kejebe görnüşli dört ýa-da bäş gaşly, ýüzüne altyn çaýylan bezeg şaýy.

**NAGMA** [nağma], *at.* **1**. Owaz, aýdym, heň. *Göýä murgy-säherdir, şeb suhan eýlär agaz, Bag içre bilbil olup, okyr nagma, hezar saz* (Magtymguly). **2**. Dutarda ýerine ýetirilýän tilsim.

**NAGRA** [nağra] **I**, *at.* Ýaragyň salan ýarasynyň yzy, tyg ýarasyndan galan kesik, ýaryk, nähre. *Göwnüme bolmasa, onuň ýüzünde ganhor Çingiziň peýkamynyň yzy, Nasreddin şanyň okunyň salan nagrasy görünýärdi* (A. Gowşudow).

**NAGRA** [nağra] **II: nagra çekmek (tartmak)** haýbatly, elhenç ses edip gygyrmak, nalamak. *Magtymguly, habar ber, ol kim, derýaga girdi? Her dem nagra çekende, derýany tupan kyldy* (Magtymguly). *Gazap bilen nagra çekdi* (M. Seýidow).

**NAGT** [nağyt], *at.***1**. Nesýä goýman berilýän pul (edilýän söwda hakynda). *Söwdanyň nagty ýagşy* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Taýýar, häzir; soňa goýmazdan, derrew. *Tagsyr, siz muny nagt etdiňiz-ow* ("Görogly").

◊ **Nagt pulsuz** nagt pul tölemezden geçirilýän söwda hasaplaşygy.

**NAGTÇYL** [nağytçyl], *syp.* Nagt söwda etmegi gowy görýän, nesýe söwda etmeýän. *Nagtçyl söwdagär.*

**NAGYL** [nağyl] **I**, *at, kön.s.* Nal. *Bedewlere nagyl kakyň* (Seýdi).

**NAGYL** [nağyl] **II: nagyl okamak** ýerliksiz öwüt-nesihat berjek bolmak, köp zady bilýän kişi bolan bolup gürläp oturmak (*ser.* **Nakyl: nakyl okamak**). – *Men ony bäş ýüz manada beremok! – diýip, meniň başyma nagyl okaýar* (B. Kerbabaýew).

**NAGYM** [nağym], *at.* **1**. Bukulmak üçin gazylan garym. *Gyzlar şol gazylan nagym bilen gidip, patyşadan öňürti baryp, öz ýerlerine geçip, uklan bolup ýatdylar* ("Türkmen halk ertekileri"). *Çuň gazynan nagymymda oturyp, Ýene bir salam hat ýolladym saňa* (A. Kowusow). **2**. Oglana dakylýan at.

**NAGYŞ** [nağyş], *at.* Hala, egin-eşige salynýan bezeg, çeper şekil, bejergi. *Bu halynyň näzik çitimi ýönekeý, hemişeki çitimden iki esse gür, nagyşlary-da nepis* (A. Gowşudow).

**NAGYŞÇY** [nağyşşy], *at.* Nagyş edýän, nagyş salýan adam.

**NAGYŞLAMA** [nağyşlama], *iş ady.* Nagyşlamak ýagdaýy.

**NAGYŞLAMAK** [nağyşlamak], *işl.* Nagyş bilen bezemek, nagyş salmak, nagyş çekmek, nagyş etmek. *Ýadygär ýaglygňa meniň adymy, Nagyşlap ýazyşyň ýadyma düşdi* (A. Kowusow). *Nagyşlap ýolladym ol gahrymana, Ýönekeý sylagjyk, ýene bir ýaglyk* (K. Işanow).

**NAGYŞLANMAK** [nağyşlanmak], *işl.* Nagyş edilmek. *Onuň çokaýy nagyşlanypdy* (B. Seýtäkow).

**NAGYŞLATMAK** [nağyşlatmak], *işl.* Nagyş saldyrmak, nagyş etdirmek. *Köýnegiň ýakasyny nagyşlatmak.*

**NAGYŞLAŞMAK**[nağyşlaşmak], *işl.* Nagyş edişmek, nagyş etmäge kömekleşmek.

**NAGYŞLY** [nağyşly], *syp.* Nagyş bilen bezelen, nagyş çekilen, nagyş salnan, nagyş bilen bejerilen. *Diwarlaryň, haýatlaryň ýüzleri halyçalar, dürli nagyşly el senetleri bilen bezelgidi* ("Edebiýat we sungat").

**NAH**, *syp.* Pagta süýüminden edilýän (ýüplük, mata). *Nah mata. Nah sapak.*

**NAHAL**, *at.* Erik, alma we ş.m. agaçlaryň ekmek üçin ýörite ösdürilip ýetişdirilen kökli çybygy. *Olar nahal oturtmaga girişdiler.*

**NAHALHANA** [nahalha:na], *at.* Agaç nahallary ösdürilip ýetişdirilýän ýörite ýer. *Sanly günlerde mekdebiň ýanynda kiçeňräk nahalhana emele geldi.*

**NAHAR**, *at.* Dürli görnüşde bişirilip taýýarlanylýan etli ýa etsiz, süýtli, ýagly iýmit, damak. *Nahar iýlip bolandan soň, Hanguly iki sany ýassygy goltugynyň aşagyna dykyp gyşardy* (Ö. Abdyllaýew).

◊ **Nahar duzy** iýmite atylýan ýörite duz.

**NAHARÇYL**, *syp.* Nahary işdämenlik bilen iýýän, iýermen, naharsow.

**NAHARHANA** [naharha:na], *at.* Köpçülik üçin nahar taýýarlanylýan we nahar iýilýän stolly, enjamly ýörite jaý.

**NAHARLAMA**, *iş ady.* Naharlamak ýagdaýy.

**NAHARLAMAK**, *işl.* Nahar, damak bermek, nahar iýdirmek (adam hakynda). *Ussalary çaýlap, naharlap işe sal* (B. Seýtäkow).

**NAHARLAMAKLYK**, *iş ady.* Naharlamak ýagdaýy.

**NAHARLANMAK**, *işl.* Nahar edinmek, nahar iýmek. *Gijöýlänler gerk-gäbe naharlanypdym-da, agşam şamynyň idegine-de çykmandym* (T. Gurbanow).

**NAHARLAŞDYRMAK**, *işl.* Naharlap çykmak.

**NAHARLATMAK**, *işl.* Birine nahar berdirmek, nahar iýdirmek. *Myhmanlary naharlatmak.*

**NAHARLY**, *syp.* **1**. Nahar edinen, nahar iýen, aç däl, dok. *Naharly okaralar myhmanlaryň öňüne çekilip başlandy.* **2**. Içine nahar guýlan. *Işdäm ýok, men naharly.*

**NAHARLYK**, *syp.* Nahar etmäge ýeterlik, nahar bolar ýaly (et, ýag, önüm we ş.m.). *Bir naharlyk et.*

**NAHARLYLYK**, *at.* Naharly, dok ýagdaýda bolmaklyk, aç dällik.

**NAHARSOW**, *syp., ser.* **Naharçyl**.

**NAHARSYZ**, *syp.* Dok däl, nahar iýmedik; aç. *Olar naharsyz galdylar.*

**NAHARSYZLYK**, *at.* Naharly dällik, nahar iýmedik halda bolmaklyk, dok dällik.

**NAHLY**, *syp.* Nah garyndyly, nah gatyşykly. *Nahly ýüň mata.*

**NAJAGAÝ** [najağaý], *syp., gepl.d.* Başagaý. *Bu ýere najagaý bolup gelen artistleriň wagty bilen gurrasy duşmady* ("Edebiýat we sungat").

**NAJAGAÝLYK** [najağaýlyk], *at.* Başagaýlyk.

**NAJAT** [naja:t]**: najadyňy garamak (görmek)** öz ýagdaýyňa görä hereket etmek, öz aladaňy özüň

etmek, çäre agtarmak, öz günüňi özüň görmek. *Edýän oýunlary şu bolsa, najatlaryny özleri görsünler* (S. Myradow).

**NAJYRAMA**, *iş ady.* Najyramak ýagdaýy.

**NAJYRAMAK**, *işl.* Bol-elin ýaşamak, tagamly nahar iýip hezil etmek, iýip-içip keýpden çykmak.

**NAJYRAŞMAK**, *işl.* Köp bolup iýip-içip mes bolmak, köp bolup hezil etmek; gönenmek.

**NAJYRATMAK**, *işl.* Biriniň mes bolmagyna mümkinçilik döretmek, gönendirmek. *Eý, biziň ýaňyrak gaýdan ýerimizdäkiler aç otyrka, seni bu taýda najyratmarys ahyry.*

**NAŽDAK**, *at.* Metal we ş.m. önümleri ýylmamak, arassalamak üçin ýüzüne ownuk mineral çaýylan kagyz ige; çalgydaş.

**NAŽDAKLAMA**, *iş ady.* Naždaklamak ýagdaýy.

**NAŽDAKLAMAK**, *işl.* Naždak bilen ýylmamak, naždak bilen arassalamak. *Sajy naždaklap arassalamak.*

**NAŽDAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Naždaklamak ýagdaýy.

**NAŽDAKLAŞMAK**, *işl.* Naždak bilen arassalamaga kömekleşmek.

**NAŽDAKLATMAK**, *işl.* Naždak bilen arassalatmak, ýylmatmak.

**NAŽDAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Naždaklamak ýagdaýy.

**NAKGAŞ** [nakga:ş], *at.* Suratçy, surat çekýän, nagyş bilen bezeýji. *Men bir iliň nakgaşyýam* (Talyby).

**NAKGAŞLYK** [nakga:şlyk], *at.* Suratçylyk, nagyşçylyk käri.

**NAKYL**, *at.* Öwüt beriji gysgajyk halk pähimi (halk döredijiliginiň bir görnüşi). *"Düýä haýt diýmek medet" diýen nakyl bar* (A. Gowşudow).

◊ **Nakyl okamak** sözüniň arasy bilen nakyl aýdyp, öwüt bermek

**NAKYLÇY**, *at.* Nakyly köp ulanýan, nakyly köp bilýän adam. *Ol nakylçy adam.*

**NAKYS**, *syp.* **1**. Näzikden ejiz, çepiksi, kiçijik. **2**. Suwumsyz, ugursyz, biderek. *Goýsana, nakys gürrüňiňi!*

**NAKYSLYK**, *at.* **1**. Näziklik, ejizlik, çepiksilik. **2**. Nakys gylyklylyk. *Sen şu nakyslygyňy haçan goýjak!*

**NAKYSRAK** [nakysyra:k], *syp.* Nakysa ýakyn, nakysa meňzeşräk (*ser.* **Nakys 2**). *Bu pikir, megerem nakysrak* (G. Ezizow).

**NAL** [na:l], *at.* Atyň toýnagyna, aýakgabyň ökjesine, burnuna kakylýan ýarym aýlaw demir. *Atyň naly.*

**NALA** [na:la], *at.* Bir zada çendenaşa gaty gynanylyp çekilýän nalyş, gam-gussa duýgusy gaplap alan agy hem zaryn ses, ahy-nala. *Aglaýyr bilbil mydam älemge ýaýyp nalasyn* (Magtymguly). *...Bulutlar durdular nala, Seýdi* (Zelili).

◊ **Nala çekmek** başyňa düşen agyr ýagdaýa çydam etmän, döz gelmän zaryn-zaryn aglamak, ejizlikden nalamak, ah urmak. *Gamda giden garyp ýeňňeň ýat edip, Köp nala çekişiň aldy janymy* ("Görogly").

**NALAÇ** [na:la:ç], *hal.* Hiç hili alaç tapman, çykalgasyz, alaçsyz, çäresiz, bialaç. *Ýaňky ikisi nalaç bolup, gaçan ýerlerine geldiler* ("Görogly").

**NALAÇLYK** [na:la:çlyk], *at.* Alaçsyzlyk, çäresizlik, bialaçlyk. *Jemal nalaçlykdan doňup galdy* ("Edebiýat we sungat").

**NALAJEDEÝIN** [na:la:jedeýin], *syp.* Hiç zatdan başy çykmaýan, ederini-goýaryny bilmeýän, bihepbe, gowşak, emelsiz, başarnyksyz.

**NALAJEDEÝINLIK** [na:la:jedeýinlik], *at.* Hiç zadyň alajyny, çäresini tapmazlyk, hiç zatdan başy çykmazlyk, bihepbelik, gowşaklyk, emelsizlik, başarnyksyzlyk. *Nalajedeýinlik bilen hereket etmek.*

**NALAMA** [na:lama], *iş ady.* Nalamak ýagdaýy.

**NALAMAK** [na:lamak], *işl.* **1**. Agyry, syrkawlyk, ejizlik, horluk, zulum we ş.m. zerarly dat etmek, nala çekmek. *Meniň saglygymdan nalaýan ýerim ýok* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Biri ýa-da bir zat hakynda gaty närazylyk bildirmek, köp zeýrenmek.

**NALAMAKLYK** [na:lamaklyk], *iş ady.* Nalamak ýagdaýy.

**NALAMAZLYK** [na:lamazlyk], *iş ady.* Nalap ýörmezlik. *Durmuşyndan nalamazlyk.*

**NALAŞMAK** [na:laşmak], *işl.* Köp bolup nalamak, ýerli-ýerden nalamak. *Bir ýola towşanlar ýygnanyşyp, öz durmuşlaryndan nalaşyp başlapdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**NALATMAK** [na:latmak], *işl.* Birine nala çekdirmek; ejizledip zeýrendirmek. *Bu gyzyň özüni naladan bardyr-da, ondan nalan ýokdur* ("Türkmen halk ertekileri").

**NALAÝYŞ** [na:laýyş], *iş ady.* Nalamak ýagdaýy.

**NALÇY** [na:lçy], *at.* Nal ýasaýan we atyň aýagyna nal kakýan ussa.

**NALLAMAK** [na:llamak], *işl.* Nal kakmak, nal urmak, nal goýmak. *Atyň aýagyny nallamak. Aýakgabyň ökjesini nallamak.*

**NALLAMAKLYK** [na:llamaklyk], *iş ady.* Nallamak ýagdaýy.

**NALLANMAK** [na:llanmak], *işl.* Biri tarapyndan nal kakylmak, nal urulmak.

**NALLAŞMAK** [na:llaşmak], *işl.* **1**. Nal kakmaga kömekleşmek. **2**. Iki ýa birnäçe bolup nallamak.

**NALLATMAK** [na:llatmak], *işl.* Nal kakdyrmak, atyň aýagyna, köwşüň ökjesine nal urdurmak. *Seýis ussanyň ýanyna atyny nallatmaga getirdi.*

**NALLY** [na:lly], *syp.* Nal kakylan, aýaklaryna nal urlan. *Atyň nally aýaklary doň ýere degip, edil dokma daragyň sesi ýaly ses eşidilýärdi* (B. Seýtäkow).

**NALSYZ** [na:lsyz], *syp.* Aýagyna nal urulmadyk, nal kakylmadyk. *Nalsyz aýak daşa dözümsiz bolar.*

**NALYŞ** [na:lyş], *at.* Zaryn ses, zeýrenilip çekilýän ahy-nala, nala, zeýrenç. *Wenger obasynda ol wepat boldy, Eşidildi garry enäň nalyşy* (M. Seýidow).

**NALYŞLY** [na:lyşly], *syp.* Zaryn sesli, ahy-nalaly, zeýrençli. *Onuň nalyşly sözüne gulak asmady.*

**NALYŞSYZ** [na:lyşsyz], *syp.* Ahy-nalasyz, zeýrençsiz, zaryn sessiz.

**NAM** [na:m], *at.* At, şöhrat. *Ýigit öler, namy galar, at öler, naly galar* (Nakyl).

**NAMA** [na:ma] **I**, *at, kön.s.* Aýdym, heň. *Görogly namasyny aýaklaýança, Arabyň aty sań gaty bolupdyr* ("Görogly"). – *Gaýdarman myhmanlara bir bäş keleme nama aýdyp berseň bolar – diýdi* ("Nejep oglan").

**NAMA** [na:ma] **II**, *at.***1**. Hat,salam haty; beýan, ýazgy. *Galam alyp, namany gönderdigim bilmezmiň?* (Magtymguly). *Gözel patyşa bize nama gönderdi, Şanyň ordasyna bar, Jygaly ogly* ("Görogly"). **2**. *dil b.* Käbir sözlere goşulyp, goşulan sözleriniň manysyna laýyk täze manyly goşma söz ýasaýar. *Meselem: şertnama, ähtnama, borçnama, beýannama, maksatnama, meýilnama.* **3**. *hukuk.* Döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň we guramalarynyň, şeýle-de wezipeli adamlaryň hem-de raýatlaryň hukuk kadalaryny berjaý etmek, ýerine ýetirmek we ulanmak bilen baglanyşykly kanunylyk ýörelgesine esaslanýan hereketleri. **4**. Degişli hukuk netijesini döretmek üçin amala aşyrylýan hukuk hereketleri, mysal üçin: hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykarylmagy, üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy. **5**. Haýsydyr bir ýuridik fakt hakynda resminamalar, protokollar. **6**. Özüňi alyp barmagyň düzgünlerini kesgitleýän we kanun, perman, karar, tabşyryk we ş.m. görnüşinde aňladylýan kada döredijilik işiniň netijesi.

**NAMART** [na:ma:rt], *syp.* Mert bolmadyk, bigaýrat. *Namart duşman görse, gussadan öler* (Magtymguly).

**NAMARTAÝ**, *at.* Uly ýaşly adamlaryň biriniň hereketine nägilelik bildirip aýdýan sözi. *Goýup otur, namartaý, oba baryny berer welin, ony alyp geler* (N. Saryhanow).

**NAMARTÇYLYK** [na:ma:rtçylyk], *at, ser.***Namartlyk**.

**NAMARTLAMA** [na:ma:rtlama], *iş ady.* Namartlamak ýagdaýy.

**NAMARTLAMAK** [na:ma:rtlamak], *işl.* **1**. Namart bolmak, namartlyk etmek, bigaýratlap başlamak. **2**. Sözüňden dänmek, sözüňde tapylmazlyk, sözüňde durmazlyk. *Ol ilki söz berdi, soň namartlap başlady.*

**NAMARTLAMAKLYK** [na:ma:rtlamaklyk], *iş ady.* Namartlamak ýagdaýy.

**NAMARTLAMAZLYK** [na:ma:rtlamazlyk], *iş ady.* Namart ýaly hereket etmezlik; ejizlemezlik.

**NAMARTLARÇA** [na:ma:rtlarça], *hal.* Namartlaryň edişi ýaly, namartlaryň edähedine görä.

**NAMARTLAŞMAK** [na:ma:rtlaşmak], *işl.* Namart bolubermek, kem-kemden, barha namartlamak, namarda öwrülip başlamak.

**NAMARTLAÝYŞ** [na:ma:rtlaýyş], *iş ady.* Namartlamak ýagdaýy.

**NAMARTLYK** [na:ma:rtlyk], *at.* **1**. Namart bolmaklyk, mert dällik, bigaýratlyk. **2**. Sözüňden dänmeklik, sözüňde tapylmazlyk, sözüňde durmazlyk. *Ol beren sözünde tapylmady, namartlyk etdi.*

**NAMAZ** [nama:z], *at.* Musulmanlaryň günde bäş wagtyna doga okap edýän ybadaty.

◊ **Namaz arka** kyblanyň garşysyndaky tarap. *Yzlar iki ýabyň birigen ýerinden çykyp, namaz arka bakan gitdi* (B. Kerbabaýew).

**NAMAZHON** [nama:zho:n], *syp.* Şerigat ýoluny tutmak maksady bilen günde bäş wagt namazyny sypdyrman okaýan, namaz okamaga endik eden (adam).

**NAMAZHONLYK** [nama:zho:nluk], *at.* Namazhon adamyň ýagdaýy, sypdyrman namaz okamaklyk.

**NAMAZLYK** [nama:zlyk], *at.* Ak ýüňden basylan, ýüzi nagyşly, üstünde diňe namaz okalýan, bir tarapy ýarym aýlawly keçe ýa-da halyça. *Haýatyň ýüzüne namazlyk halyça gerilgi durdy* ("Edebiýat we sungat"). *Namazlyk tapmasa garryja eneň, Çabdyny özüne namazlyk edýär* (K. Gurbannepesow).

**NAMAZLYKLYK** [nama:zlyklyk], *syp.* Namaz okamaga ýarar ýaly, namazlyk edip ulanar ýaly (don, çäkmen, mata we ş.m.). *Namazlyklyk mata.*

**NAMAZLY-TÄRETLI** [nama:zly-tä:retli], *syp.* Namaz okaýan, päkize bedenli.

**NAM-NYŞAN** [na:m-nyşa:n], *at.* Bir zatdan galan alamat, derek, yz, at-sor. *Olarda tukatlykdan nam-nyşan ýok.*

**NAM-NYŞANSYZ** [na:m-nyşa:nsyz], *syp.* Atsyz-sorsuz, dereksiz, hiç hili alamatsyz. *Geçen uruşda nam-nyşansyz ýiten adamlaryň sany ýokdur.*

**NAMUT** [na:mu:t], *syp.* Umydy üzülen, näumyt, tamasyz; boş. *Namut etme, şepagatdan, rähmetden* (Magtymguly).

**NAMYRAT** [na:myra:t], *hal.* Maksat-myradyna ýetmedik, maksady hasyl bolmadyk, armanly. *Namyradam neýleýin men, namys-ar elden gider* (Mätäji). *Şol gyz bolmanda-da, namyrat geçesiň ýok* (Ý. Mämmediýew).

**NAMYS** [na:mys], *at.* **1**. Şahsyýetiň borçlulyk düşünjesi bilen baglylykda ýüze çykýan duýgusy, ýokary mertebä eýe bolan ahlaklylyk, wyždanlylyk duýgusy. *Ol öz namysyny gorap bilýän aýal* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ar, utanç, haýa-şerim bilen baglanyşykly duýgy, mertebe. *Namysdan ýaňa ýere giräýjek boldum* ("Türkmenistan").

◊ **Namys bilmek (etmek)** özüňe, adyňa laýyk bilmezlik, pes hasap etmek, aýyp hasaplamak, kemlik bilmek. **Namys getirmek** biriniň ýa köplügiň abraýdan düşmegine sebäp bolmak, biabraýçylyga sezewar etmek. *Olar ýaly adam ähli ilata namys getirer* (H. Derýaýew). **Namysyna degmek 1)** abraýdan düşmegine sebäp bolmak, mertebesini pese gaçyrmak, biabraý etmek, kemsitmek. **2)** gyz maşgala el degirmek, el garmak, zorlamak. **Namysyny depelemek 1)** mertebesini peseltmek, býabraý etmek. **2)** zorlamak.

**NAMYS-AR** [na:mys-a:r], *at,ser.***Ar-namys**.

**NAMYSJAŇ** [na:mysjaň], *syp.* Sähelçe zady namys bilýän, namysyny arassa saklamaga çalyşýan, arjaň.

**NAMYSJAŇLYK** [na:mysjaňlyk], *at.* Namysjaňa mahsus bolan gylyk-häsiýet, namysjaňyň ýagdaýy, namysjaň bolmaklyk.

**NAMYSLY** [na:mysly], *syp.* Namysy, wyždany bar, wyždanly, arly, arjaň.

**NAMYSLY-ARLY** [na:mysl(y)-a:rly], *syp., ser.* **Ar-namysly**.

**NAMYSLYLYK** [na:myslylyk], *at.* Namysy barlyk, wyždanlylyk, arlylyk, arjaňlyk.

**NAMYSSYZ** [na:myssyz], *syp.* Namysy bolmadyk, wyždansyz, utanç-haýasyz, binamys, arsyz.

**NAMYSSYZLYK** [na:myssyzlyk], *at.* Namysy ýokluk, wyždansyzlyk, utanç-haýasyzlyk, binamyslyk, arsyzlyk. – *Şu namyssyzlygyňy indi taşla, ýogsa-da sen bizden git! – diýip berk aýtdy* (A. Gowşudow).

**NAN** [na:n], *at.* **1**. *şahyr*. Undan hamyr ýugrulyp bişirilýän çörek. *Beren nanyň saýa bolsa gerekdir* (Magtymguly). *Ak süýt emdiň, ulaldyň, heý aglar sen, nan gerek* (Magtymguly). Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy (Atalar sozi). *Ýoklukda kem bolsa suprada nany, Goç ýigit gam çeker mydama, begler* (Kätibi). **2**. *gepl.d.*, *ser.* **Çörek**. *Senden maşgala nan beren bolmaz*.

**NANBAÝ** [na:nma:ý], *at, kön.s.* Çörek bişirýän adam.

**NANLY** [na:nly], *syp., ser.* **Çörekli**.

**NAPAGA** [napağa], *at, gepl.d.* Peýda, haýyr, nep. *Onuň saňa napagasy degermikä?*

**NAR** [na:r] **I**, *at.***1**. Açyk, gyzyl gülli, ownuk ýaprakly, günorta ýurtlarda bitýän agaç. **2**. Şol agajyň daşy gabykly, içi gyzyl däneli togalak miwesi. *Süýji nar*.

**NAR** [na:r] **II**, *at.* **1**. Adamyň bedeninde döreýän gyzyl menek, tegmil. **2**. Gyza dakylýan at.

**NAR** [na:r] **III**, *at, k.d.* Ot. *Bir ýaramaz näkes sözi, Barabardyr nar biläni* (Halk aýdymyndan). *Daşdan bişdim, içden köýdüm, köz boldum, Ki nar kaýsy, kebap kaýsy, bilmedim* (Magtymguly).*Ýanyp duran nar men, sönmenem, begler!* (Seýdi).

**NARBAN** [narva:n], *at, ser.* **Merdiwan**. *Narban baryny gurşap bu daga narbanly çykmaly diýipdirler* ("Görogly").

**NARDÄNE** [na:rdä:ne], *at.* Gülýaka, dagdana we ş.m. bezeg şaýlaryna goýulýan goýy gyzyl reňkli gaş, naryň dänesine meňzeş gaş. *Nardäne gaşly maňlaýlyk*.

**NARLY** [na:rly], **1**. Endamynda, bedeninde nary, gyzyl tegmili bolan. **2**. Oglana dakylýan at.

**NARLYK** [na:rlyk], *syp.* Nar agajynyň köp biten ýeri. *Narlyk jülge*.

**NARPYZ**, *at.* **1**. Dodak güllüler maşgalasyna degişli süýrüje ýaprakly, baldagynyň ujunda gülgün-melewşe reňkli gül topbajygy bolan ysly köpýyllyk ot. *Ýylanyň ýigrenini narpyz, ol hem hininiň agzynda gögerer* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Gerekmejek ýerde görünýän, ýürege düşgünç, suwjuk adam. *Ýöne aramyzda gögerdi narpyz, Saýgarman söýgüde belendi-pesi* (A. Omarowa).

**NARPYZAK**, *at.* Boýy 10-30 *sm* ýetýän bir ýyllyk otjumak ösümlik.

**NARPYZLY**, *syp.* Narpyz gögerip oturan; narpyz goşulan, narpyz garylan. *Allanäme narpyzly kempudam tapypsyň* (Ö. Abdyllaýew).

**NARPYZLYK**, *at.* Narpyzyň köp biten ýeri, bol ýeri.

**NARYNÇ** [na:rynç], *syp.* Naryň reňkine meňzeş, nar reňkli. *Narynç ýalyn lowlap, asmana göterildi* (H. Ysmaýylow).

**NARYNJY** [na:rynjy], *at, ser.* **Narynç**.

**NAS**, *at.* Temmäkä kül, hek, ýag we ş.m. garylyp taýýarlanýan we keýp üçin diliň aşagyna atylýan ýaşyl reňkdäki garyndy.

◊ **Nas etmek 1)** urup, ýenjip mynjyratmak, gaýdyp garşylyk görkezmez ýaly etmek. **2)** hötdesinden gelmek, kemini goýman başarmak, hek etmek, daş etmek, ökdelik bilen ýerine ýetirmek. *Ol işi men başarman kim başarsyn, tabşyryň-da göräýiň, nas ederin.* **Nas kädi** bili inçe, düýbi togalak, ujy süýri görnüşli nas salynýan kiçijik kädi.

**NASÇY**, *at, gepl.d.* Nas taýýarlaýan ýa-da satýan adam, naspuruş.

**NASKEŞ**, *syp.* Nas atýan adam.

**NASKEŞLIK**, *at.* Nas atmak endigi, naskeş bolmak ýagdaýy.

**NASPURUŞ**, *at, kön.s.* Nasçy, nas satýan.

**NAŞTA** [na:şta], *at.* Nahar. *Hoş temizli beg oglunyň naştasyn Sygyr ýatagynda kylmak ýaraşmaz* (Magtymguly).

◊ **Naşta bolmak** ýürekse bolmak.

**NAŞY** [na:şy], *syp.* Tejribesiz, bilimsiz, düşünjesiz. *Magtymguly, çölde gezen naşyny, Bilik sorma köp sürdi diýp ýaşyny* (Magtymguly). *Galynça bir merdiň naşy zürýady, Il içinde galsa ýegdir hup ady* (Aşyky).

**NAŞYJA** [na:şyja], *syp.* Kiçiden gelen enaýy, eýjejik, nakysja, owadanja, gelşikli. *Men naşyja owlagyň arkasyny sypalajak bolup egildim* ("Edebiýat we sungat").

**NATUWAN** [na:tuwa:n], *syp.,k.d.* Güýçsüz, başarnyksyz, kuwwatsyz, biçäre, ejiz, naçar. *Bagty gara natuwany neýlär sen? Rehm etmezmiň Mahym janyň halyna!* (Mollanepes).

**NATUWANLYK** [na:tuwa:nlyk], *at.* Natuwan, başarnyksyz, emelsiz ýagdaýda bolmaklyk, iş başarmakda ejizlik.

**NAW** [na:w] **I**, *at.* Jaýyň üstüne we ş.m. goýmaga, çyra, radio simlerini geçirmek üçin dikmäge ýaraýan uzyn hem ýylmanak, göni agaç, pürs.

◊ **Naw ýaly** uzyn boýly, syrdam, daýaw. *Görsem, ynha dokmaçylaryň arasynda naw ýaly syratly bir gyz bar* (A. Durdyýew).

**NAW** [na:w] **II**, *at.* Deňizde balyk tutmak, ýük daşamak, söwda aragatnaşygyny etmek üçin uly göwrümli, 4000-4500 put göterýän ýelkenli gaýyk.

*Deňizler sal urdy, bozuldy nawum, Gudratym ýetmedi zalyma meniň* (Hatam şahyr).

**NAWÇY** [na:wçy], *at.* **1**. Naw ýasaýan ussa. **2**. Naw sürýän adam.

**NAWÇYLYK** [na:wçuluk], *at.* Nawçynyň käri, ýagdaýy. *Nawçylyk hünäri.*

**NAWLY** [na:wly], *syp.* Nawuň kömegi bilen, naw arkaly. *Ýüki nawly getirmek. Nawly gelmek.*

**NAÝ I**, *at.* Gargydan we ş.m. ýasalýan tüýdügiň bir görnüşi, saz guraly. *Şol barmana niredendir naýyň zaryn sesi eşidildi* (G. Kulyýew).

**NAÝ II**, *at.* Suw çilimiň sorulýan, çekilýän tarapy, müşdügi. *Suraýy çilimniň naýy gözel sen* (Magtymguly).

**NAÝ III**, *at, deňizç.* Ýelkenli nawuň burnundaky öňe çykyp duran ýogyn togalak agaç.

◊ **Naý bogaldak** naý ýelkeni çekilýän bogaldak. **Naý keleten** naý ýelkeni ýokary götermek üçin ýörite pürs. **Naý pälwan** naý bogaldagy gapdalyndan, öňünden saklaýan ýüpler. **Naý ýelken** gäminiň hereketini çaltlandyrmak üçin iň öňden çekilýän kiçijik ýelken.

**NAÝBAŞY** [naývaşy], *at.* **1**. Owadan, görmegeý, syratly. *Bular biziň ilimiziň naýbaşy adamlary* (B. Kerbabaýew). **2**. Iň gowy, saýlama, aňrybaş.

◊ **Naýbaşy kubok** sport ýaryşlarynda ýenijilere gowşurylýan in ýokary baýrak.

**NAÝBAŞYLYK** [naývaşylyk], *at.* Naýbaşy derejä mynasyplyk, saýlama ýagdaýda bolmaklyk. *Hemme kişä naýbaşylyk, elbetde, ýetdirmez.*

**NAÝÇA I**, *at, dokm.* **1**. Erşiň arasyndan argaç geçirmek üçin daşyna sapak saralyp, mäkiniň içine salynýan barmak boýy gamyşdan ýasalýan tara guraly. *Naýçalaryna sapak sarap, Sapaklaryny sazlaşdyrýar* (B. Kerbabaýew). **2**. Tikin maşynlarynda daşyna sapak saralan tegelejik enjam, tegek. **3**. *deňizç.* Gäminiň öň tarapyndan çekilýän naý ýelkenini berkitmek, gaýymlamak üçin gäminiň göwresinden öňe tarap uzalyp çykyp duran pürs. **4**. Agzyndan doldurylýan tüpeňlerde mis oturdylýan ýer.

**NAÝÇA II**, *at.* Käbir bakja ekinleriniň gülüniň düýbündäki ýaňy düwen düwünçegi, täze düwen miwesi; güldüýbi. *Sapa goluň ikinji ýapragy hem birinjisi ýaly ilki murt çykaryp, soňra-da naýça görkezer diýip çak edipdi* (N. Esenmyradow).

**NAÝÇALAMAK**, *işl.* Naýça emele gelmek, ýaňy düwüp, miwe görkezip başlamak. *Melejäniň öz öňünden gelýän kölegesi ýaňyja naýçalan eriklere, üljelere dyrmaşýardy* (B. Kerbabaýew).

**NAÝÇALY**, *syp.* Naýçasy bolan, naýça bilen işleýän. *Naýçaly maşyn.*

**NAÝÇALYK**, *at.* Naýça bolar ýaly, naýça etmäge ýaramly. *Naýçalyk gamyş getirsene.*

**NAÝYNJAR** [na:ýynja:r], *syp.* **1**. Ejiz, görgüli, gözgyny (adam). *Bu naýynjar ýarym adamyny aldamak mümkin däldi* (B. Seýtäkow). **2**. Ýürek awadyjy, zaryn, aýylganç. *Ataly-ogul gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, şeýle bir naýynjar garadylar* (S. Myradow). **3**. Göwnüçökgün, umytsyz, bialaç.*Olar özleriniň adatdaky ulumsylyklaryny ýitirip, naýynjar görnüşe eýe bolupdyr* (B. Kerbabaýew).

**NAÝYNJARLYK** [na:ýynja:rlyk], *at.***1**. Ejizlik, gözgynylyk. *Naýynjarlyk etmek örän haýypdyr, Maňa päsgel bermek senden aýypdyr* (B. Kerbabaýew). **2**. Zaryn, ýürek awadyjy halda bolmaklyk. **3**. Umytsyz halda bolmaklyk, göwnüçökgünlik.

**NAÝYNSAP** [na:ýynsa:p], *syp.* **1**. Ynsapsyz, ynsabynyň çägini bilmeýän, wyždansyz, bolgusyz. **2**. Bihaýa, haýasyz, gödek. *Beýle naýynsap işe meniň elim barmaz* (B. Kerbabaýew). **3**. Käýinç hökmünde ulanylýan söz.

**NAÝYNSAPLYK** [na:ýynsa:plyk], *at.***1**. Ynsapsyzlyk, wyždansyzlyk. *Şonça ýalbarsa-da gulak salman, şeýle naýynsaplyk etdim* (A. Salyh). **2**. Bihaýalyk, haýasyzlyk.

**NAÝZA**, *at.* **1**. Ujy inçe, uzyn, sanjylýan demir çiş, sowuk ýarag. *Senden şu naýzaňy diläp, alyp bermäge geldim* ("Görogly"). **2**. Tüpeňiň niline ugurdaş berkidilýän sowuk ýarag. *Olar ýaglyklaryny tüpeňleriniň ujundaky naýzalaryna berkidip, bärligine tarap tirkeşip gaýtdylar* (Ý. Mämmediýew). **3**. *sport.* Daş aralyga zyňylýan ujy demir çişli taýak.

◊ **Naýza boýy** naýzanyň boýuna deň, naýza uzynlygy aralyk. *Bu pälwan naýza boýy atylyp gitdi* ("Görogly"). *Gün naýza boýy galypdy.*

**NAÝZADAR** [naýzada:r], *at.* Naýza bilen ýaraglanan esger, naýzaly urşujy.

**NAÝZADARLYK** [naýzada:rlyk], *at.* Naýzadaryň ýagdaýy, wezipesi.

**NAÝZALAMA**, *iş ady.* Naýzalamak ýagdaýy.

**NAÝZALAMAK**, *işl.* Naýza sançmak, naýza dürtmek, sünçmek.

**NAÝZALAMAKLYK**, *iş ady.* Naýzalamak ýagdaýy.

**NAÝZALANMAK**, *işl.* Naýza sanjylmak.

**NAÝZALAŞMAK**, *işl.* Iki bolup ýa iki tarap bolup biri-biriňe naýza salmak, biri-biriňi naýzalamak. *Iki tarap hem naýzalaşmaga taýýardylar.*

**NAÝZALATMAK**, *işl.* Naýza bilen ýaralatmak; birine naýza sançdyrmak.

**NAZAR**, *at.* **1**. Birine ýa-da bir zada bakyş, garaýyş, serediş. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Nazara almak** göz öňünde tutmak. **Nazardan salmak (düşürmek)** ünsden düşürmek, gözden salmak, göz-gulak bolmazlyk. **Nazarda tutmak** *ser.* **Nazara almak**. *Şu ýyl mallar üçin köp mukdarda ýorunja bedesini taýýarlamaklyk nazarda tutulýar.* **Nazar salmak (etmek)** **1**) Birine ýa-da bir zada yhlasly seretmek, içgin syn etmek. *Belent ýere çykyp, töweregine nazar saldy.* **2**) göz-gulak bolmak, garaşyk etmek, kömek bermek, gözden salmazlyk. **Nazaryňy dikmek** dikanlap seretmek, göni bakmak. *Onsoň ýoldaşlaryna soragly nazaryny dikdi* (A. Nazarow).

**NAZARKERDE**, *syp.* **1**. Özüne çekiji, syratly, görmegeý. *Oglum siz bir nurana, nazarkerde ýigit ekeniňiz* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Edenli, edermen,

başarjaň, gaýratly. *Mejnun nazarkerdedir, onuň herne dilegi kabul bolýandyr* ("Leýli – Mejnun").

**NAZARKERDELIK**, *at.* **1**. Özüne çekijilik, syratlylyk, görmegeýlik. **2**. Edenlilik, gaýratlylyk, başarjaňlyk.

**NAZARLAMAK**, *işl.* **1**. Birine ýa-da bir zada seretmek, göz aýlamak, nazar salmak, syn etmek. *Olar göni obany nazarlap gelýärdi.* **2**. Garawula almak, nyşana almak, çenemek. *Ol nyşanany ýagşy nazarlap atdy.* **3**. *göç.m.* Ymtylmak, gönükmek, meýillenmek. *Geljege nazarlamak.*

**NAZARLANMAK**, *işl.* Garaýşyňy birine gönükdirmek; biri tarapyndan nyşana alynmak, göz astyna alynmak. *Özüne nazarlanyp duran adamlara seretdi* ("Edebiýat we sungat").

**NAZARYÝET**, *at.***1**. Bir zada bolan garaýyş. **2**. Haýsy-da bolsa bir ylmy ýa-da onuň bölümlerini emele getirýän umumylaşdyrylan düzgünleriň, kanunlaryň, kanunalaýyklyklarynyň jemi. *Edebiýatyň nazaryýeti.*

**NAZBOÝGÜL** [na:zvo:ýğül], *at, ser. ösüml.d.* **Reýhan**. Dodakgüllüler maşgalasyna degişli ýarym gyrymsy ýa-da gyrymsy agaçlaryň bir görnüşi; sümmül şekilli topbak gülli, ýakymly ysly birýyllyk ösümlik, reýhan. *Aýnabat çäýnekleri süpürip arassalaýança, kakam nazboýgül ekilen kölçäniň ýakasyndaky elýuwguçdan el-ýüzüni, boýunlaryny howlukman ýuwdy* (H. Garabaýew).

**NAZYM**, *at.* Sazlaşykly çykýan ýakymly ses, owaz, mylaýym ses. *Porhan ýene-de nazym bilen gygyryp "jynlaryny" ugratdy* (Halk ertekisinden).

**NAZYMLY**, *syp.* Sazlaşykly çykýan mylaýym owazly, ýakymly sesli. *Garrynyň nazymly sesi eşidildi.*

**NAZYMLYLYK**, *at.* Owazlylyk, ýakymlylyk, hoşlabyzlylyk. *Onuň sesiniň nazymlylygy özüne çekijidi.*

**NAZY-NYGMAT** [na:zy-nyğmat], *at.* Dürli nahar, ir-iýmiş, tagamlar (*ser.* **Näzi-nygmat**).

**NE**, **1**. Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. *Ne ýowuz ýerde ýat, ne ýowuz düýş gör* (Halk döredijiliginden). **2**. Güýçlendiriji kömekçi. *Ne gözel maşgala!* **3**. *Näme?, nähili?* diýen sorag çalyşmasynyň gysgalan görnüşi (*ser.* **Nä**). *Eý mähribanym, saňa ne boldy?*

**NEBELA** [nevela:], *syp.* Nätüýsli, nähili, neneňsi. *Bohow, sesi nebela eken-ow!* ("Görogly"). *Bu yssy nebela?*

**NEBERE** [nevere], *at.* Bir ata-babadan önenler, kowum-garyndaş; maşgala. *Günbe-günden örňäp barýar neberäň* (A. Atabaýew).

**NEBI** [nebi:], *at.* Pygamber. *Niçe resul gitdi, niçe müň nebi* (Magtymguly).

**NEBIR** [nevir], *syp.* Nähili ajaýyp, nähili oňat,ne gözel, birgeňsi.

**NEBIS** [nevis], *at.* Maddy üpjünçilige ymtylyş, köp zada eýe boljak bolmak islegi, islegi kanagatlandyrmak meýli, şahsy peýdaňy bilmek islegi.

◊ **Nebse çapmak** nebsewürlik, açgözlülik etmek, öz hususy bähbidiňi aramak, zat diýip çarp urmak. **Nebsiň agyrmak** ýüregiň awamak, rehimiň inmek, haýpyň gelmek. **Nebsiňe buýurmak** öz islegiňi, arzuwyňy çäklendirip bilmek, özüňe erk edip bilmek, nebsiňe haý diýmek. **Nebsiňe haý diýmek** *ser.* **Nebsiňe buýurmak. Nebsiň guly bolmak** ýeke öz peýdaň üçin ýaşamak, diňe öz haýryňy gözlemek, nebsiň ugruna gitmek. **Nebsiňi şaglatmak** nebsewürlik etmek, nebsiňe haý diýip bilmezlik, nebsiň guly bolmak, nebsiň öňüne böwet bolup bilmezlik. *Japbaklar nebsini şagladýanlardan, köpi gözläp, azdan galýanlardan däldirler* (B. Kerbabaýew). **Nebsiň oýanmak (otukmak)** bir zada islegiň, höwesiň artmak, öz peýdaňy bilmek.

**NEBISJEŇ** [nevisjeň], *syp.* Nebsi gereginden artyk, nebsi üçin ylgaýan, nebsewür, betnebis. *Nebisjeň dünýäni ýuwutsa-da doýmaz* (G. Kulyýew).

**NEBISJEŇLIK** [nevisjeňlik], *at.* Nebisjeň bolmaklyk, betnebislik, nebsewürlik. *Nebisjeňlik etmek.*

**NEBISLI** [nevisli], *syp.* Nebsi bar, nebsini bilýän.

**NEBISLILIK** [nevislilik], *at.* Nebsi barlyk, nebisli bolmaklyk, nebsiňi ileri tutmaklyk, nebisjeňlik.

**NEBISSIZ** [nevissiz], *syp.* Nebsi bolmadyk, nebsi ýok, nebsini çäklendirip bilýän.

**NEBISSIZLIK** [nevissizlik], *at.* Nebsi ýokluk, nebisli dällik, nebissiz bolmaklyk, nebsi öňüne düşmezlik, nebsiňe buýrup bilmeklik.

**NEBIT** [nevit], *at.* **1**. Ýeriň çökündi gatlagynda ýaýran gazylyp alynýan möhüm baýlyklaryň biri; çig mal hökmünde dürli önümler (kerosin, benzin, wazelin, parafin we ş.m.) almak üçin peýdalanylýan garamtyl-goňur ýa-da gara reňkli, ysly ýanyjy ýagjymak suwuklyk. **2**. Nebitiň gaýtadan işlenmegi esasynda alynýan suwuk ýangyç. *Çyranyň nebiti gutarypdyr.*

**NEBITÇI** [nevitçi], *at.* Nebit senagatynyň işgäri, nebit boýunça hünärmen.

**NEBITÇILIK** [nevitçilik], *at.* Nebitçiniň hünäri, käri, wezipesi. *Ol ençeme ýyl bäri nebitçilik edýär.*

**NEBITDAKYL** [nevitdakyl], *at, min.* Ýag, çalgy ýagy we ş.m. taýýarlamak üçin ulanylýan, dürli agyr molekulaly parafinleriň garyşyp gatamagyndan emele gelen madda, dag mumy.

**NEBSAGYRYJYLYK** [nebsa:ğyryjylyk], *at.* Bir zada gynanyjylyk, nebsiň agyrmaklyk ýagdaýy. *Ol ýigdekçä nebsagyryjylyk bilen garady.*

**NEBSEWÜR** [nevsöwür], *syp.* **1**. *ser.* **Nebisjeň**. **2**. Işdämen, iýmekde uly islegi bolan, işdäli, işdäsi oýanan, halys iýesi gelip duran. *Ol nahara nebsewür garady.*

**NEBSEWÜRLIK** [nevsöwürlük], *at.* **1**. *ser.* **Nebisjeňlik**. *Töwerek-daşyny nebsewürlik bilen synlady.* **2**. Işdämenlik, işdäsi açyklyk. *Ol bedräniň ýanyna baryp, bir kürüşge suw alýar-da, nebsewürlik bilen içýär* (N. Jumaýew).

**NEÇJAR** [neçja:r / netja:r], *at.* Agaç ussasy. *Öz döwründe Nuh pygamber, Neçjar işin tutup geçdi* (Magtymguly).

**NEÇJARLYK** [neçja:rlyk / netja:rlyk], *at.* Neçjaryň käri, ýagdaýy. *Ol demirçilik hem ederdi, neçjarlyk-da* (N. Pomma).

**NEÇJARÇYLYK** [neçja:rçylyk / netja:rçylyk], *at, ser.* **Neçjarlyk**.

**NEDEN**, *hal.* Tas, birden, tasdan. *Olar neden atdan agypdylar.*

**NEDIR**, 1. "Näme" manysyndaky? *ne* diýen sorag çalyşmasynyň soňuna *-dir* kem işligi goşulan görnüşi. *Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda, Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir!* (Magtymguly). **2.**Oglana dakylýan at.

**NEFER**, *at, k.d.* Adam, şahs. *Kyrk müň nefer atlandylar, ardyna düşdüler* ("Kitaby dedem Gorkut").

**NEGADA** [neğa:da], *hal.* Käbir wagtda, kämahal, käwagt, käte, käýarym. *Ol mamasynyň diş-dyrnak bolup, azap baryny siňdirip geýdiren bu egin-eşigini negada bir toýda-tomguda geýip çykarýardy* (A.Gowşudow).

**NEJASAT** [neja:sat], *at.* Adamyň, haýwanyň ýogyn içege arkaly daşyna çykarýan tezegi. *Nejasatdyr mydam iýýän höregi* (Kemine).

**NEJAT** [neja:t], *at.* Çykalga, çäre, alaç, najat. *Menem ertir adamlarym bilen öz nejadymy görerin* (H. Derýaýew).

**NEJIS** [neji:s], *syp.* **1**. Ýürek bulandyryjy, keşdiň çeker ýaly däl, erbet, ýaramaz, pis. **2**. *göç.m.* Haýyn, ýigrenji.

**NEJISLIK** [neji:slik], *at.* **1**. Ýürek bulandyryjylyk, keşdiň çeker ýaly dällik, pislik, erbetlik. **2**. Haýynlyk, ýigrenjilik.

**NEK**, *syp*. Ýaramaz, nekdogdy, nekgende. *Atadan ogul köp dogar, içinde biri nek dogar* (Nakyl).

**NEKDOGDY** [nekdoğdy], *syp.* Naýynsap, ynsabyny ýuwudan; galandar, ykmanda, nekgende.

**NEKGENDE** [nekgenne], *syp., ser.* **Nekdogdy**.

**NEKIRT: nekirt etmek** sürümi, ekişi, orak ormagy, täze ýurda göçmegi, ekerançylygyň belli, jogapkärli pursatlaryny sähetli gün başlap goýbermek. *4-nji sentýabry sähetli gün hasaplap, şol gün kolhozyň dördünji brigadasynda nekirt etdiler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**NEM**, *at.* Yzgar, çyg, öl. *Arly gyş bulutlaň nemini soran ýer jana geldi.*

◊ **Nem syzmazlyk** bilýän zady hakynda hiç zat aýtmazlyk.

**NEME**, *çal.* Köplenç, ýada düşmedik jyns ýa-da has atlaryň ýerine ulanylýan nämälim çalyşma.

◊ **Neme etmek** *gepl.d.* köplenç, näme etmelidigi diliňe gelmedik halatynda haýsy-da bolsa bir işlik *neme etmek* bilen çalşyrylyp ulanylýar. *Şu gazygy şu ýere neme edip goýbereli.*

**NEMEK**, *at.* Duz-çörek, iýmek-içmek. *Şum rakypdyr iýdi nanu-nemegin* ("Şasenem – Garyp").

**NEMES** [ne:mes/ ne:mis], *at, ser.* **Nemesler**. *Nemes dili. Nemes medeniýeti.*

**NEMESLER** [ne:mesler / ne:misler], *at.* Germaniýanyň esasy ilatyny düzýän ýerli halk.

**NEMJIREMEK**, *işl.* Yzgar çekmek, çyg çekmek.

**NEMJIRETMEK**, *işl.* Bir ýeri çygjartmak, neme basdyrmak. *Bug aýnany nemjiretdi.*

**NEMLEME**, *iş ady.* Nemlemek ýagdaýy.

**NEMLEMEK**, *işl.* Yzgar çekmek, çyg çekmek, öl çekmek, nemli bolmak.

**NEMLENMEK**, *işl.* Yzgar almak, yzgarlamak, öllenmek. *Ýagyş suwundan kemsiz nemlenen meýdan ýaşyl mahmal bürendi.*

**NEMLI**, *syp.* Çyg çeken, yzgar alan, yzgarly, çygly. *Niredendir bir ýerden üstüne ýagyş sepelän gury syzanyň, şor garaganyň şorumtyk nemli ysy şemala aralaşyp gelýärdi* (A. Gowşudow).

**NEMLILIK**, *at.* Çyg, yzgar alanlyk, yzgarlylyk, çyglylyk.

**NEMSIZ**, *syp.* Yzgarsyz, çygsyz, nem çekmedik, gury.

**NEMSIZLIK**, *at.* Yzgarsyzlyk, çygsyzlyk, öl dällik, gurulyk.

**NEMUNA** [nemu:no], *at, k.d.* Nusga.

**NENEŇ**, "Nähili, nätüýsli, neneňsi" ýaly manylary aňladýan sorag çalyşmasy. *Berdi aga, şol ogluň üçin gelmäge ýüzüň-gözüň neneň çydaýar?* (A. Durdyýew).

**NENEŇ-NIÇIK: neneň-niçik bolmak** belli bolmak, bir ýaňalyk bolmak, belli netijä gelinmek. *Men neneň-niçik bolandygyny düşündirdim.*

**NENEŇSI**, *çal.,ser.* **Neneň**. *Begenjimden neneňsi öýe gelenimi hem bilmedim* (R. Gelenow).

**NENES** [ne:nes], *at, ser.* **Nenesler**.

**NENESLER** [ne:nesler], *at.* Russiýada Kola ýarym adasyndan Ýeniseý derýasyna çenli aralykda ýaşaýan halk.

**NEOLIT** [neýoli:t], *at, arheol.* Daş asyrynyň has soňky döwri, täze daş asyry.

**NEP**, *at.* Peýda, haýyr. *Şu dermanyň nepi degäýdi.*

**NEPAGA** [nepağa], *at, kön.s.* Nep. *Munuň içki, aýratyn-da aşgazan agyrysyna nepagasy kän* ("Saglyk").

**NEPES**, *at, kön.s.* **1**. Dem. *Ellerinden dür dökülýän baharyň, Nepesi durlady çygly howasy* (G. Ezizow). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Nepesiňi dürsemek, durlamak** demiňi dürsemek, durlamak, özüňi rastlamak, ynjalyk tapmak. *Ol alňasaklyk bilen elindäki işini bir gapdala taşlap, nepesini dürsedi* ("Edebiýat we sungat").

**NEPIS** [nepi:s], *syp.* Çeper ýerine ýetirilen, dokalan. *Nepis haly.*

**NEPISLIK** [nepi:slik], *at.* Owadanlyk, näziklik, ajaýyplyk, inçelik. *Biziň halylarymyz nepisligi bilen göreni haýran galdyrýar.*

**NEPÝAG** [nepýa:ğ], *at, gepl.d.* Çyra guýulýan ýangyç, nebit. *Gara çyraň peltesinden, Nepýagjyk-da ýokuşdyrdym* (K. Gurbannepesow).

**NER**, *at.* Bugra bilen arwanadan bolan erkek düýe iner. *Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz*

(Nakyl). *Ner düýäniň örküji ýüňlek bolar, ýar-ýar* (Toý aýdymyndan).

**NERESSE**, **1**. Ýetginjeklik ýaşyna ýetmedik, kemala gelmedik, ýetişmedik; ýaşajyk, gögele. *Neresse çaga.***2**. *göç.m.* Biçäre, görgüli, görjegini görüp ýetişmedik (köplenç, ýaş ýogalan adam hakynda aýdylýar). *Neresse zor sazandady.*

**NERKES**, *at.* Ak ýa-da sary gülli ösümlik, gül.

◊ **Nerkes göz** owadan göz.

**NERME**, *at.* Döwek döwlende harmanyň daşyna halkalaýyn aýlanan däne gatyşykly saman üýşmegi, döwlüp, atmaga taýýar edilen ak ekin. *Ýel güýçli bolmany üçin, nermäni olar örän ýokary zyňýardylar* (B. Kerbabaýew).

◊ **Nerme näzik** sähel zada öýkeläp duran, sähel zady göwnüne alýan. *Ne beýle nerme näzik bolupsyň.* **Nermeden doýan ýaly** özüni hondanbärsi saýýan, gopbamsy (adam).

**NERREK**, *at.* Kümüş we beýleki gymmat bahaly zatlardan ýasalýan bezeg şaýlaryň ýüzüne her hili görnüşde deşik deşmek üçin ulanylýan gural.

**NERRIK I**, *at.* Dowaryň guzlamazlyk keseli.

**NERRIK II**, *at.* Hamyň iç ýüzünde döreýän agyrysyz düwün.

**NERW** [ne:rv], *at, anat.* Kelle we oňurga ýülüginden ähli agzalara ýaýraýan we özboluşly ulgam emele getirýän hem-de bedeniň işleýşini dolandyrýan örän inçe gan damarlar ulgamynyň jemi.

**NESIBE** [nesi:ve], *at.* Kysmat, ykbal; näme-de bolsa bir zatdan ýetýän paý, rysgal. *Seni nesibäň getirdi, Indi ýurduň daşdyr, Öwez* ("Görogly").

◊ **Nesibäň atylmak (atylmazlyk )** *ser.* **Nesibäň çekmek. Nesibäň çekmek (dartmak)** miýesser bolmak, bir sebäp bilen bir ýere barmak ýa-da gelmek, duşmak, duş bolmak. *Köp aglar men, ýarym bilmez, Nesip dartmaz, gülüp gelmez* (Mollanepes).

**NESIBELI** [nesi:veli], *syp.* Nesibesi bar; ykbally, ýazgytly. *Aý, onsoňam gyz maşgala diýeniň myhman bolýar, iru-giç öz nesibelisine gowuşmaly* (T. Gurbanow).

**NESIL**, *at.* **1**. Asly bir ata-babadan bolanlar, kowum-garyndaşlar, arkama-arka gelýän garyndaşlyk. **2**. Bir maşgalada önüp-ösen ogul-gyz, zürýat. *Her bir adamyň maksady özünden nesil galdyrmak.* **3**. *göç.m.* Bir döwürde ýaşaýanlar, döwürdeşler. *Altyn asyryň altyn nesli.*

◊ **Ýaş nesil** ýaş össürimler, ýaş ýetginjekler, ýaşlar.

**NESILME-NESIL**, *hal.* Arkama-arka, nesilden-nesle, nesilsaýyn.

**NESILSAÝYN** [nesilsa:ýyn], *hal,ser.* **Nesilme-nesil**.

**NESILSIZ**, *syp.* Nesil önmeýän, nesli bolmadyk, ogul-gyzsyz, zürýatsyz, perzentsiz. *Dünýäden nesilsiz ötmek.*

**NESIP** [nesi:p], *at, ser.* **Nesibe**.

◊ **Nesip bolsa** "ykbal, kysmat şoňa ýetirse" diýen manyda ulanylýan aňlatma. *Nesip bolsa, Çandybile baraly, Agaýunus, Göroglyny göreli* ("Görogly"). *Nesip bolsa, türkmen raýatlaryna, nesillerine Altyn asyr ýar bolar* ("Türkmenistan"). **Nesip etdiginden** nesip edişine görä. *Gel, nesip etdiginden çaý içeli.* **Nesip etsin** "hözirini gör, nepi degsin, deregiňe ýarasyn" diýen manyda aýdylýan alkyş. *Tüweleme, nesip etsin, gazygynda garrasyn* (B. Kerbabaýew). *Ýaşamak nesip etsin, jaý kemi ýok* (B. Pürliýew).

**NESIHAT** [nesi:hat], *at.* Birine bir mesele, iş hakynda berilýän öwüt-ündew, maslahat.

**NESIHATÇY** [nesi:hatçy], *at.* Nesihat, öwüt berýän adam, maslahatçy. *Men seni nesihatçy bagşy diýip eşitdim* ("Görogly").

**NESIHATLY** [nesi:hatly], *syp.* Öwüt-ündewli, maslahatly.

**NESTEREN**, *at, kön.s.* Ýabany bägül; itburun. *Ýa reb, ol gülgün ýaňagyň gülmüdir ýa nesteren* (Şah Ysmaýyl).

**NESÝE**, *at.* Belli bir möhlete çenli bahasy, puly berilmän alnan, puly nagt berilmedik, nyrhy tölenmedik. *Myraly goýunlaryny nesýe satjagyny aýdypdyr* ("Myraly").

◊ **Nesýä geçmek** nesýe almak, ynamyny ödemek, nagt tölemän almaga mynasyp bolmak; alyş-berişde ygtybarly hasaplanmak.

**NESÝE-NOWGAN** [nesýe-nowğa:n], *hal, ser.* **Nesýe**. *Çykarman ol hem sesini, Nesýe-nowgan kömek etdi* (Ç. Aşyrow).

**NEŞDER**, *at.* **1**. Ujy ýiti dilkaw pyçajyk, gan almak üçin ulanylýan pyçajyk. *Ol tenine neşder urlan ýaly tisgindi.* **2**. *gepl.d.*Ary, möý ýaly käbir mör-möjekleriň çakýan ýiti iňňesi. *Şol zarbada bat alyp, Çakdy neşderin dürtüp* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Şöhle. *Günüň neşderleri depäni deşip barýar* (B. Hudaýnazarow).

**NEŞE**, *at.* **1**. Tiryýek, meň ýaly saglyk üçin zyýanly bolan humarlandyryjy jisimleriň umumy ady. *Hemmeler neşe nogsanyna garşy aýaga galmaly* ("Türkmenistan"). **2**. Tiryýek, meň çekmek, arak, çakyr içmek we ş.m. zatlar netijesinde adamda ýüze çykýan ýelgin, keýp. *Biz olaryň ýanynda maşyny sakga durzup, olaryň neşesini uçurdyk* (N. Pomma).**3**. *göç.m.* Ýykgyn edilýän zat, ýoň, nysak, ýörelge. *Soňky döwürde gaty kop maşynly gelin getirmek neşe bolupdyr.*

◊ **Neşe bilmek** bir zady dereje hasaplamak, öz artykmaçlygyňy görkezýän alamatdyr öýtmek, mertebe saýmak. *Öňde-de biri sapançasynyň boş gabynyň içine daş hem aňry-bäri dykyp, biline guşanar eken, şony hem özüne neşe biler eken* (A. Gowşudow). **Neşäň gaçmak (uçmak)** keýpiň bozulmak, keýpiň gaçmak. *Waheý, bar neşämi gaçyrdyň-la, gyz* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew). **Neşäň ýetmek** mazaly keýplenmek.

**NEŞEBENT** [neşevent], *at, ser.* **Neşekeş.**Tiryýekkeş, neşekeş, neşä erkini aldyran adam.

**NEŞEBENTLIK** [neşeventlik], *at.* Tiryýekkeşlik, neşekeşlik.

**NEŞEKEŞ** [neşekeş], *at.* Tiryýek çekmäge endik eden adam, tiryýekkeş.

**NEŞEKEŞLIK** [neşekeşlik], *at.* Tirýekkeşlik, neşebentlik. *Neşekeşlik diýilýän zat uly betbagtçylyk* ("Türkmenistan").

**NEŞELI** [neşeli], *syp.* **1**. Neşeden keýp alan, keýpli. *Neşeli ýagdaý.* **2**. Keýpli, gyzykly, lezzetli. **3**. *göç.m.* Özüne çekiji, timar berlen, owadan, kaşaň. *Ol hem neşeli köwüşleri geýmegi gowy görýär* (N. Pomma).

**NEŞELILIK** [neşelilik], *at.* Neşeli ýagdaýda bolmaklyk, neşesi barlyk; kaşaňlyk.

**NEŞIR**, *at.* **1**. Çap edilip çykarylan kitaplar, žurnallar we ş.m. gollanmalar. **2**. Çap edip çykarmak bilen baglanyşykly. *Neşir işleri.* **3**. *Neşir* sözünden soň *etmek* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Neşir etmek** çap edip çykarmak.

**NEŞIRÝAT** [neşirýa:t], *at.* Kitap, kitapça, gazet-žurnal we ş.m.-leri neşir etmek bilen meşgullanýan edara. *Ýene iki ýygyndy neşirýata çap etmäge hödürlendi.*

**NEŞIRÝATÇY** [neşirýa:tçy], *at.* Çap edip çykarmak işi bilen meşgullanýan neşirýat senagatynyň işgäri, çap edip çykarýan adam.

**NETIJE** [neti:je], *at.* **1**. Bir mesele, iş we ş.m. boýunça gelinýän iň soňky pikir, çözgüt. **2**. Edilen işden gelýän peýda, görülýän haýyr. *Islendik işiň jemleri ahyrky netije bilen kesgitlenýär* ("Türkmenistan"). **3**. "Ahyr soňunda, iň soňunda" diýen manyly giriş sözi. *Netijede, öýleriň ýene-de 50 müňüsine gaz berildi* ("Türkmenistan").

◊ **Netije çykarmak** sapak edinmek, iş üçin belli karara gelmek.

**NETIJELI** [neti:jeli], *syp.* Netije berýän, netijesi bar bolan.

**NETIJESIZ** [neti:jesiz], *syp.* Netijesi ýok, netije bermeýän, biderek, boş. *Netijesiz iş.*

**NETIKAZA** [netikaza:], *syp.* Özdiýenli, öz diýenini edýän. *Netikaza adam. Ol tüýs netikaza eken.*

**NETIKAZALYK** [netikaza:lyk], *at.* Netikaza häsiýetlilik. *Netikazalyk halanmaýan gylyk.*

**NEÝLEMEK**, *işl., gepl.d.*"Näme etmek?, näme işlemek?" manylarynda ulanylýan söz. *"Bir belasy bolmasa, guýruk munda neýlesin" diýip oýlanypdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). *Dost ilinden awaraýam, Gel, gör, meni yşk neýledi* (Ýunus Emre).

**NÄ** [nä:], **1**. Sözüň öňünden goşulyp, ýoklugy aňladýan goşulma. *Meselem: näbelli,nädogry we* ş.m. **2**. *Nähili?, niçik?* ýaly sorag çalyşmasynyň manysyny aňladýar. *Seniň nä işiň, özi islänini etsin.*

◊ **Nä körüň bar?** näme işiň bar, işiň ýok, barmak derkar däl. *Olarda nä körüň bar? Öýde bol.*

**NÄBELET** [nä:velet], *syp.* Belet däl, tanyşlygy ýok, nätanyş. *Sen maňa näbeletmi?*

**NÄBELETÇILIK** [nä:veletçilik], *at, ser.***Näbeletlik**.

**NÄBELETLIK** [nä:veletlik], *at.* Belet dällik, belet bolmadyk, tanyş dällik, nätanyşlyk. *Şähere näbeletlik.*

**NÄBELETSIREMEK** [nä:velessiremek], *işl.* Belet bolmadyksyramak, bilmediksiremek; nätanyşsyramak, näbelet bolan bolmak.

**NÄBELLI** [nä:velli], *syp.* Belli däl, açyk, anyk bilinmeýän; nätanyş. *Tokaýdan näbelli guşlaryň hüwwüldili owazy gelýärdi* (N. Jumaýew).

**NÄBELLILIK** [nä:vellilik], *at.* Belli dällik, belli bolmadyk, açyk bilinmezlik, açyk dällik; nätanyşlyk.

**NÄÇE** [nä:çe], *çal.***1**. Bir zadyň bahasyny, sanyny, mukdaryny we ş.m. bilmek üçin ulanylýan sorag çalyşmasy. *Onuň näçe ýaşanyny bilýän adam ýokdy* (B. Seýtäkow). **2**. Köp, köp gezek; isledigiňçe. *Gowaça şeýle bir ösümlik, şeýle bir ekin, muny näçe taryplasaň, ýene az* (B. Kerbabaýew).

**NÄÇENJI** [nä:çenji / nä:çinji], *çal.* Soralýan zadyň tertip boýunça ornuny görkezmäge hyzmat edýän sorag çalyşmasy. *Sen pellehana näçenji bolup geldiň? Näçenji sahypany okap gutardyň?*

**NÄDOGRULYK** [nä:doğruluk], *at.***1**. Hakykata dogry gelmezlik, dogry dällik, ýalanlyk. **2**. Ýalňyşlyk, hakyky dällik. *Meseläniň goýluşynyň nädogrulygy ýüze çykdy.*

**NÄDOGRY** [nä:doğry], *syp.* **1**. Hakykata dogry gelmeýän, dogry däl, dürs däl, ýalan, galp. **2**. Ýalňyş. *Biz meseläni nädogry çözüpdiris.*

**NÄGEHAN** [nä:ğeha:n], *hal.* **1**. *kön.s.* Duýdansyz, birden, birdenkä, tötänden. *Bir kerwen gelerdi Müsürden Şama, Nägehan geldiler üşbu mekana* (Magtymguly). *Nägehandan gelen betbagtçylyk ol maşgalanyň süýji durmuşyny bulady* (B. Soltannyýazow). **2**. *göç.m.* Garaşylmazdan inen bela, betbagtlyk, abanan howp. *Beýle nägehan ynsanyň başyna inmesin.*

**NÄGILE** [nä:ği:le], *syp.* Bir zatdan ýa-da birinden göwni galan, närazy bolan, nadyl. *Men siziň hiç biriňizden hiç wagtda nägile bolmadym* (B. Kerbabaýew).

**NÄGILEÇILIK** [nä:ği:leçilik], *at, ser.* **Nägilelik**.

**NÄGILELIK** [nä:ği:lelik], *at.* Birinden ýa-da bir zatdan göwnüň galmaklyk, närazy bolmaklyk, nadyllyk, razy dällik.

**NÄHAJAT** [näha:jat], *at.* Nämä geregi bar, nämä gerek, nämä derkar, geregi, hajaty ýok, ne hajat. *Ederini bilmeze ýagy nähajat!* (Nakyl).

**NÄHAK** , *syp.* **1**. Dogry däl, nädogry, hak däl. *Adama nähak gara sürtmeli däl.***2**. Hiç bir sebäpsiz, biderek, ýerliksiz.

**NÄHEŇ**, *at, k.d.* Kit, akula. *Jeýhun derýasynyň Nili-näheňi* (Magtymguly).

**NÄHILI** [nä:hi:li], *çal.* "Neneňsi, nätüýsli, niçik" ýaly manydaky sorag çalyşmasy. *Sen bagt diýen zada nähili düşünýärsiň?*

**NÄHOŞ** [nä:hoş], *syp., ser.* **Näsag**.

**NÄHOŞLAMAK** [nä:hoşlomok], *işl., ser.* **Näsaglamak**. *Ol ýaman nähoşlany üçin hassahana düşdi.*

**NÄHOŞLUK** [nä:hoşluk], *ser.* **Näsaglyk**. *Enesiniň nähoşlugy hakynda telegramma aldy.*

**NÄJÜRE** [nä:jürö], *çal., ýerli g., ser.* **Nähili**.

**NÄKES** [nä:kes], *syp.* Ugursyz, bolgusyz (adam). *Sözüň parhyny bilmez bir näkes üçin bizden öýkelemäň!* ("Edebiýat we sungat").

**NÄKESLIK** [nä:keslik], *at.* Hiç zadyň alnyndan dällik, binamyslyk, sansyzlyk, bihepbelik.

**NÄLAÝYK** [nä:la:ýyk], *syp.* **1**. Mynasyp däl, deň gelmeýän, taý gelmeýän, laýyk däl. **2**. *göç.m.* Nädogry, ýalňyş. *Nälaýyk hereketler.*

**NÄLAÝYKLYK** [nä:la:ýyklyk], *at.* **1**. Laýyk dällik, mynasyp bolmazlyk, deň gelmezlik. **2**. *göç.m.* Nädogrulyk, ýalňyşlyk. *Edilýän hereketleriň nälaýyklygy. Işde bolýan nälaýyklyklar.*

**NÄLER** [nä:ler] **I**, *çal., gepl.d. Nämeler* sözüniň (çalyşmasynyň) gysgalan görnüşi. *Seýil edeliň bu jahana, Jahanda näler görüner* (Magtymguly).

**NÄLER** [nä:ler] **II,** *çal.* Her näçe, şunça, köp gezek, her edip, hesip edip. *Men näler çydajak boldum-la.*

**NÄLET** [nä:let], *at.***1**. Ýüzügaralyk, býabraýlyk, lagnat. **2**. Gargyş, sögünç aňladýan söz. *Patyşa kiçi gyzyna nälet aýdyp, bir gatyrhana saldyrdy* (Halk ertekisinden).

◊ **Nälet getirmek** ýüzügara etmek, biabraý etmek. **Nälet okamak** gargyş etmek, gargamak.

**NÄLETI** [nä:leti], *syp., ser.* **Näletkerde**.

**NÄLETKERDE** [nä:letkerde], *syp.* Nälet, ysnat getirýän, näleti. *Sen-ä näletkerde oglan bolduň.*

**NÄLETLEME** [nä:letleme], *iş ady.* Näletlemek ýagdaýy.

**NÄLETLEMEK** [nä:letlemek], *işl.* Nälet aýtmak, pislemek; gargyş etmek. *Ähli halklar näletleýär urşy* (A. Kowusow).

**NÄLETLEMEKLIK** [nä:letlemeklik], *iş ady.* Näletlemek ýagdaýy.

**NÄLETLENMEK** [nä:letlenmek], *işl.* Biri ýa köpçülik tarapyndan nälet okalmak, gargyş edilmek. *Erbet hereketler üçin näletlenmek.*

**NÄLETLI** [nä:letli], *syp.* Nälet siňen, nälet aýdylan, näletlenen, nälet eýesi bolan.

**NÄMAKUL** [nä:ma:ku:l], *hal.* Makul däl, maksada laýyk däl, göwnejaý däl, makullanmaýan. *Onuň çykyşyna dogry diýenem tapyldy, ony nämakul bilenem tapyldy. Siziň şu maslahatyňyz nämakul däl.*

**NÄME** [nä:me], *çal.* Atlaryň ornuna gelýän sorag çalyşmasy. *– Näme beýle gijä galdyň? – diýip, söze başlady* (H. Derýaýew).

◊ **Nämäň alnyndan** "pylany kimmişin, ol hiç kim, elinden geljek zat bolmaz" diýen manyda ulanylýan aňlatma. *O nämäň alnyndan, ondan hiç kim gorkanok.*

**NÄMEJAL** [nä:meja:l], *syp.* Mejalsyz, ysgynsyz. *Açyk gapydan içeri giren nämejal, ejiz göwreli, ýigrimi iki-ýigrimi bir ýaşlaryndaky ýigitdi* (A. Gowşudow).

**NÄMEJALLYK** [nä:meja:llyk], *at.* Ysgynsyzlyk, mejaly, kuwwaty, güýji ýokluk.

**NÄMÄHREM** [nä:mährem], *syp.* **1**. Ýat, keseki. *Magtymguly, dostdan syryň gizleme, Biwepadyr, nämähremi gözleme* (Magtymguly). **2**. Mähirsiz, rehimsiz, yzgytsyz. *O şol hatyn ki, nämährem nazardyr* (Sopy Allaýar).

**NÄMÄHREMLIK** [nä:mähremlik], *at.* Mähirli gatnaşykda dällik, kesekilik. *Onuň garaýşynda nämähremlik duýulýardy.*

**NÄMÄLIM** [nä:mä:lim], *syp.* **1**. Mälim däl, belli, aýan bolmadyk, gümürtik; düşnüksiz. **2**. Tanyş däl, tanalmaýan, nätanyş.

◊ **Nämälim çalyşma** *dil b. Biri, pylany, neme* ýaly sözlerden ybarat bolup, köplenç atlaryň ýerine ulanylýan sözler.

**NÄMÄLIMLIK** [nä:mä:limlik], *at.***1**. Mälim, belli dällik, aýan bolmazlyk, gümürtiklik. *Ýüreginde turan howsala, gorky, nämälimlik barha güýjeýärdi* (B. Seýtäkow). **2**. Tanyş dällik, nätanyşlyk.

**NÄNE** [nä:ne], *at.* Ýapragy we baldagy gyzylymtyl, ýiti narpyz ysly, iýilýän ot.

**NÄRAHAT** [nä:ra:hat], *syp.* Rahat däl, ynjalyksyz, rahady ýok, rahatsyz, galagop. *Närahat ýürek. Närahat orun.*

**NÄRAHATLYK** [nä:ra:hatlyk], *at.* Rahat dällik, ynjalyksyzlyk, rahady ýokluk, rahatsyzlyk; galagoplyk. *Onuň derde dözümli kalby närahatlyk bilen urýardy* (G. Kulyýew).

**NÄRAZY** [nä:ra:zy / nä:ra:zy:], *syp.* Birinden ýa-da bir zatdan razy bolmadyk, razy däl.

**NÄRAZYÇYLYK** [nä:ra:zyçylyk / nä:ra:zy:çylyk], *at, ser.* **Närazylyk**. *Iki tarapda hem närazyçylyk bolmasyn..*

**NÄRAZYLYK** [nä:ra:zylyk / nä:ra:zy:lyk], *at.* Birinden ýa-da bir zatdan razy bolmazlyk, razy dällik, makul bilmezlik, göwnejaý dällik. *Ýoldaşlarynyň ýüzüne närazylyk bilen seretdi.*

**NÄRSE** [nä:rse], *ser.* **Zat**. *Ol ne gözdür, kirpigi ýok, gaşy ýok? Gözlülerden ýagşy närseler görmüş* (Magtymguly).

**NÄSAG** [nä:sağ], *syp.* Sag däl, kesele duçar bolan, nähoş, syrkaw. *Hekim näsagyň ýagdaýyny bilenden soň, uludan demini aldy.*

**NÄSAGÇYLYK** [nä:sağçylyk], *at, ser.* **Näsaglyk**. *Onuň gürrüň bermegine görä, näsagçylyk ilerki obalara-da ýaýrapdyr* (G. Kulyýew).

**NÄSAGLAMA** [nä:sağlama], *iş ady.* Näsaglamak, ýarawsyzlyk ýagdaýy.

**NÄSAGLAMAK** [nä:sağlamak], *işl.* Kesele duçar bolmak, ýarawsyz bolmak, syrkawlamak, hassalamak, nähoşlamak. *Birhili, bagrym sançýar, ýüregimiň ugry ýok, näsaglap ýörün öýdýän* ("Edebiýat we sungat").

**NÄSAGLAMAKLYK** [nä:sağlamaklyk], *iş ady.* Näsaglamak ýagdaýy.

**NÄSAGLAÝYŞ** [nä:sağlaýyş], *iş ady.* Näsaglamak ýagdaýy.

**NÄSAGLYK** [nä:sağlyk], *at.* Sag dällik, kesele duçar bolmaklyk, syrkawlyk, nähoşluk, ýoňlulyk. *Hapaçylyk näsaglygyň sebäbidir.*

**NÄSAZ** [nä:sa:z], *syp.* **1**. Agzybirligi bozulan, agzala. *Iki dostuň arasy näsazdy.***2**. Dogry işlemeýän, bozulan, ýaramaz, bozuk. *Maşynyň motory näsaz işleýär.***3**. Saz däl, birsydyrgyn däl, kadaly däl. *Ýüregiň näsaz urmagy.*

**NÄSAZLYK** [nä:sa:zlyk], *at.***1**. Arasy bozuklyk, agzalalyk, agzybirligi ýokluk. *Bularyň arasyna bir näsazlyk düşdi* (A. Gowşudow). **2**. Nädogrulyk, bozuklyk, ýaramazlyk**.** *Näsazlyk ýüze çykarylan*

*badyna ony düzedýärler.***3**. Saz dällik, kadaly dällik, kadasyzlyk. *Ýüregiň urşunyň näsazlygy ýüze çykdy.*

**NÄŞAT** [nä:şa:t], *syp.* Şat däl, şadyýan däl, tukat, keýpsiz. *Magtymguly, bimyradam, Iller hoşdur, men naşadam* (Magtymguly).

**NÄŞATLYK** [nä:şa:tlyk], *at.* Şat dällik, şadyýan dällik, tukatlyk, keýpsizlik.

**NÄTAKYK** [nä:ta:ky:k], *syp.* Takyk däl, dürs däl; belli edilmedik, gümürtik. *Nätakyk mesele. Nätakyk jogap.*

**NÄTAKYKLYK** [nä:ta:ky:klyk], *at.* Takyk dällik, anyk, belli dällik, gümürtiklik. *Öňki bar bolan käbir nätakyklyklar düzedilipdir* ("Edebiýat we sungat").

**NÄTANYŞ** [nä:tanyş], *syp.* Tanyş däl, keseki, biri-birini tanamaýan, ýat, bigäne. *Nätanyş adam.*

**NÄTANYŞLYK** [nä:tanyşlyk], *at.* Tanyş dällik, biri-biriňi tanamazlyk, ýatlyk, bigänelik.

**NÄTEŇENÄLET** [nä:teňenä:let], *hal.* Bolşy nähili erbet, ýaramaz.

**NÄTEŇET** [nä:teňet], *hal, gepl.d., ser.* **Näteňenälet.**

**NÄTJEK,** *işl., gepl.d. Näme etjek?* diýen söz düzüminiň gysgalan şekili ("Näme alaç etjek, nähili çäre tapjak, edip biljek zadyň ýok" diýen manyda ulanylýar). *Biziň obamyzda asyl çäge bolmasa nätjek?* (B. Kerbabaýew).

**NÄTMEK** [nä:tmek], *işl., gepl.d. Näme etmek* diýen söz düzüminiň gysgalan şekili.

**NÄTMEKÇI** [nä:tmekçi], "Näme etmek hyýalyňda bar, näme etmek meýliň bar?" manylarda ulanylýan sorag sözi.

**NÄTÜÝSLI** [nä:tüýslü], *çal.* "Nähili, neneň, niçik, näzeýilli, neneňsi" diýen ýaly manyda ulanylýan sorag çalyşmasy. *Aýuw, seniň bolşuň nätüýsli, toba-tagsyr!* (A. Durdyýew).

**NÄUMYT** [nä:umuýt], *syp.* Umytsyz, tamasyz. *Adybeg yzy binyşan gitdi diýip, men näumyt bolup ýördüm* ("Görogly").

**NÄUMYTLYK** [nä:umuýtluk], *at.* Umytsyzlyk, tamasyzlyk. *Onda näumytlyk duýgusy oýandy.*

**NÄWAGT** [nä:wağt], *çal.* Haýsy wagt, haçan. – *Biz kärhanada näwagt işläris? – diýipdir* (Ö. Abdyllaýew).

**NÄWAGT-BIWAGT** [nä:wağt-bi:wağt], *hal.* Her bir wagt, haçan diýseň, islendik-islenmedik wagt. *Näwagt-biwagt diýmän, bar bileni-biteni işdir.*

**NÄWAGT-NÄZAMANA** [nä:wağt-nä:zama:na], *hal.* Bilip bolmaz, nähili döwür boldy, bu nä zamana. *Näwagt-näzamana, ýüregiňde beslän ýagşylyklaryňy uzaklaşdyrman edip dynsaň gowy.*

**NÄZ** [nä:z], *at.* **1**. Esasan, aýal-gyzlaryň öz gadyryny artdyrmak maksady bilen ýakymly, mylaýym duýguly näz-kereşmesi; göz-gaş kakyşy, garaýşy. *Ol gözlerini güldürip, näz bilen ýylgyryp seretdi* (N. Pomma). **2**.Arzylatmak, gereklemek üçin tykyran bolup oturma. *Gyzy baryň näzi bar* (Nakyl).

◊ **Näziňi artdyrmak** arzyňy artdyrmak, özüňe ýalbartmak, näziňi çekdirmek. *Näziňi artdyrmasana, ozal gürleşipdik ahyry.*

**NÄZENIN** [nä:zeni:n], *syp.* Göze ýakymly, mylaýym, ajaýyp, gözel (ýaş aýal maşgala hakynda).

**NÄZENINLIK** [nä:zeni:nlik], *at.* Näz-kereşmelilik, näzi köplük. *Beýle näzeninlik hemme gyzlara mahsus däldir.*

**NÄZEÝILLI** [nä:zeýilli], *çal, gepl.d., ser.* **Nähili.** *Aýdaweri, oglum, atynyň reňki näzeýilli?* ("Görogly").

**NÄZIK** [nä:zik], *syp.* **1**. *ser.* **Nepis**. **2**. Ýaşajyk, terje. *Otuň näzik ýapraklary bürşerip görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **3**. Gowşajyk, inçejik, horja, çepiksije. *Çerkez arkan dolanmakçy bolanda, gurply penje onuň näzik çigninden ýapyşdy* (B. Kerbabaýew). **4**. Mähirli, mylaýym, ýakymly, ýumşajyk. *Dutaryň näzik owazy.* **5**. Berk däl, port, sagdyn däl; ejiz, gowşak. *Näzik baldak. Näzik gül.* **6**. *göç.m.* Sähel zady ýüzüne alýan, ynjyk, öýkelek, nermenäzik. *Näzik gelin. Näzik adam. Näzik bolmak.* **7**. Gyza dakylýan at.

**NÄZIKLIK** [nä:ziklik], *at.* **1**. *ser.* **Nepislik**. **2**. Ynjyklyk, köp zähmet, esewanlygy talap edijilik.*Gowaçanyň näzikligi näzenin gyzyňkydan hem öteräk* (B. Kerbabaýew). **3**. Mähirlilik, ýakymlylyk. *Tebigy näzikligine ýürekden gadyr goýýardy* (G. Kulyýew). **4**. Berk dällik, portluk, ejizlik. *Metalyň näzikligi.* **5**. *göç.m.* Ynjyklyk, öýkeleklik.

**NÄZIKSIREME** [nä:ziksireme], *iş ady.* Näziksiremek ýagdaýy.

**NÄZIKSIREMEK** [nä:ziksiremek], *işl.* Näz-kereşme eden bolmak, näziňi çekdirjek bolmak, näzik bolan bolmak. *Ol wagtyhoşluk bilen güldi, näziksiredi.*

**NÄZIKSIREMEKLIK** [nä:ziksiremeklik], *iş ady.* Näziksiremek ýagdaýy.

**NÄZIKSIREŞMEK** [nä:ziksireşmek], *işl.* Ýerli-ýerden, birnäçe bolup näziksiremek.

**NÄZIKSIRETMEK** [nä:ziksiretmek], *işl.* Näzik ýagdaýda boldurmak, näziksiremäge ýol bermek; aýnatmak.

**NÄZI-NYGMAT** [nä:zi-nyğmat], *at.* Her hili iýmitler, her tüýsli tagamlar, nazy-nygmat. *Näzi-nygmat görüp, iýip-içmedim* (Kemine).

**NÄZIRGEME** [nä:zirğeme], *iş ady.* Näzirgemek ýagdaýy.

**NÄZIRGEMEK** [nä:zirğemek], *işl.* **1**. Näz-kereşme etmek, näzli bolmak, näziňi çekdirmek. *Ol ýigidiň saçyny sypap näzirgedi.* **2**. Lälik bolmak, läliksiremek, näziňi bildirmek. *Ol kakasynyň boýnundan asylyp näzirgedi* (G. Kulyýew).

**NÄZIRGENMEK** [nä:zirğenmek], *işl.* Näz etmek, näzlidigiňi bildirmek. *Gelin näzirgenip, gözüni süzdi* ("Edebiýat we sungat").

**NÄZIRGEŞMEK** [nä:zirğeşmek], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde näzirgemek. *Gyzlar näzirgeşip otyrdylar.*

**NÄZIRGEÝIŞ** [nä:zirğeýiş], *iş ady.* Näzirgemek ýagdaýy.

**NÄZ-KEREŞME** [nä:z-kereşme], *at.* Näz etmeklik, göz-gaş oýnatma, özüne çekiji

mylaýymlyk, näzlilik. *Agaýunus ýüz-müň näz-kereşme bilen gözlerini güldürdi* ("Görogly").

**NÄZLI** [nä:zli], *syp.* **1**. Näz bilen, mylaýym, mähirli, näz-kereşmeli. . *Onuň aýaly näzli güldi* (B. Kerbabaýew). **2**. Adam ady.

**NIÇE**, *çal.* Näçe, ençe, birnäçe, birentek. *Türkini oňarmaz niçe mollalar, Arap tilin, diwan hatyn näbilsin* (Magtymguly).

**NIÇESAR** [niçesa:r], *hal.* Haçana çenli, haçana deňiç, näçe wagt.*Seniň geleňsizligiň zerarly, men niçesar goňşy-golamyň maşgalasyny kişşikläýin!* (B. Kerbabaýew). *Niçesar saňa aýdyp etdirmeli!*

**NIÇEZAR** [niçeza:r], *hal., ser.* **Niçesar**. *Men niçezar saňa taýýar aw getirip berer ýörer öýdýäň* (Halk ertekisinden).

**NIÇIGSI** [niçiğsi], *gepl.d.*Niçik, neneň, neneňsi, nähili. *Men sensiz niçigsi arman çekmäýin.*

**NIÇIK**, *gepl.d., ser.* **Neneň**. *Niçik lak atjagyn bilmeýän ýaly, Ogryn-ogryn galpyldaýar azajyk* (B. Kerbabaýew).

**NIÇIKSI** [niçiлsi], *ser.* **Niçigsi**.

**NIDERLANDIÝALY** [niderla:ndiýa:ly], *syp., ser.* **Niderlandiýalylar**.

**NIDERLANDIÝALYLAR** [niderla:ndiýa:lylar], *ser.* **Gollandlar**.

**NIGÄR** [niğä:r], *at.* **1**. Gözel, söýgüli, ýar. *Köňlüňni istäp, eý nigär, men barmyşam ýoldan-ýola, Berdim ki sowt-u namyňny jan birle her goldan-gola* (Magtymguly). **2**. Surat, nagyş, haşam. **3**. Gyz ady..

**NIGÄRLI** [niğä:rli], *syp.* Bezelen, nagyşly. *Elleri bileginden hynaly, barmaklary nigärli, mahbub kafyr gyzlary galyň oguz beglerine sargan süzüp içirlerdi* ("Kitaby dedem Gorkut").

**NIJE**, *çal, ser.* **Niçe**. *Diýdim: "Ýa reb, kethudalyk nijedir"*(Magtymguly).

**NIKA** [nika:], *at.* Är-aýallyk gatnaşygyny düzgünleşdirmek däbi, kanuna laýyklykda nikalamak düzgüni. *Nika hakyndaky kanun.*

◊ **Nika gyýmak** adata, dessura görä täze öýlenenleriň är-aýallygyny resmileşdirmek, nikalamak. *Nika gyýyp, tutynyň aňyrsyna salanlarynda gyz uludan bir demini alan* (A. Salyh). **Nikany bozmak** biri bilen resmi är-aýal bolup ýaşamaklygy bes etmek, aýrylyşmak. *Men adamym bilen nikamy bozmagy göwnüme düwdüm* (A. Nazarow). **Nika suwy** maşgala guryýanlara nika gyýlanda toýçulara paýlanýan, olaryň süýjülikde ýaşaşmaklaryny dileg etmek üçin berilýän süýji suw. **Nika ýaşyna ýetmek** durmuş gurmaga, kanun boýunça nikalaşmaga ýaşy ýetmek, kämillik ýaşyna ýetmek.

**NIKALAMA** [nika:lama], *iş ady.* Nikalamak ýagdaýy.

**NIKALAMAK** [nika:lamak], *işl.* Nikaly etmek, nika gyýmak. *Meni Öweze nikalap berseňiz, men myradyma ýeterdim* ("Görogly").

**NIKALAMAKLYK** [nika:lamaklyk], *iş ady.* Nikalamak ýagdaýy.

**NIKALANMAK** [nika:lanmak], *işl.* Biri bilen nikaly ýagdaýda bolmak, birine nikalanyp berilmek.

**NIKALAŞMAK** [nika:laşmak], *işl:* Biri bilen nikaly ýagdaýa geçmek, kanuny är-aýal bolmak. *Ýaş çatynjalar toý güni nikalaşdylar.*

**NIKALATMAK** [nika:latmak], *işl.* Birine nika gyýdyrmak, nikalaşdyrmak.

**NIKALAÝYŞ** [nika:laýyş], *iş ady.* Nikalamak ýagdaýy.

**NIKALY** [nika:ly], *syp.* Nikada duran, nikalaşan; başy boş däl.

**NIKASYZ** [nika:syz], *syp.* Nikaly däl, nikada durmaýan.

**NIKASYZLYK** [nika:syzlyk], *at.* Nikasy ýokluk, nikada durmazlyk.

**NIL** [ni:l] **I**, *at.* Goýy gök reňk.

◊ **Nile ýatyrmak** nil reňkinden taýýarlanan suwuklyga boýaljak ýüpi atyp goýmak. **Nili azan (üýtgän)** adamkärçilik häsiýetlerini ýitiren. **Nili birmeňzeş** pikirli, bir ugurdan gopýan, pikirdeş. *Diýmek, ikisiniň hem nili bir* (H. Ysmaýylow).

**NIL** [ni:l] **II**, *at.* Ok atylýan ýaragyň (tüpeň, sapança, top we ş.m.) okunyň geçýän, çykyp gidýän turba görnüşli bölegi.

**NILGÄR** [ni:lğä:r], *at.* Boýag-nil gaýnadýan adam, boýagçy. *Olaryň biri bagban, beýlekisi nilgär eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**NILGÄRLIK** [ni:lğa:rlik], *at.* Nilgäriň käri, ýagdaýy.

**NIRE** [ni:re], "Haýsy ýer, haýsy orun, haýsy ugur?"diýen manyny aňladýan sorag çalyşmasy. *Sen nireden gelýärsiň?* (B. Seýtäkow).

◊ **Nirede oturtjagyňy bilmezlik** çendenaşa hormatlamak, uly hezzet etmek, hormat bilen myhman almak. *Ol jorasyny nirede oturtjagyny bilmedi.*

**NIRELI** [ni:reli], *syp.* Haýsy ýerli, haýsy ýurtly. *Siz nireli borsuňyz?* ("Edebiýat we sungat").

**NIÝET**, *at.* Bir zady, işi etmäge öňünden döreýän isleg, hyýal, meýil.

◊ **Niýetiňe düwmek** bir işi amala aşyrmagy maksat edinmek, niýet etmek. **Niýetiňi bozmak** ýaman niýete, ýaman hyýala münmek, bozuk pikire gulluk etmek, ýaman päle gitmek. *Soltansöýüniň niýetiniň bozulanyny ony häzir çagyrjagyny mälim edýär* ("Myraly").

**NIÝET-ARZUW**, *at.* Ýürekde beslenýän, aňyňda göz öňüne getirilýän niýet we arzuw.

**NIÝETLENILMEK**, *işl.* Biri tarapyndan bir zat, iş göz öňünde tutulmak, maksat, hyýal edilmek, göwne düwülmek. *Çopanlary çöl ýollary üçin ýörite niýetlenilen maşynlar gatnadýarlar* ("Türkmenistan").

**NIÝETLEME**, *iş ady.* Niýetlemek ýagdaýy.

**NIÝETLEMEK**, *işl.* Bir zady kimdir birine bermegi göz öňünde tutmak, ýüregiňe düwmek, maksat edinmek. *Men bu gyzy kyýamatlyk oglum Öwez jana niýetläp alyp gaýtdym* ("Görogly").

**NIÝETLEMEKLIK**, *iş ady.* Niýetlemek ýagdaýy.

**NIÝETLENMEK**, *işl.* Haýsydyr bir zady kimdir birine bermek göz öňünde tutulmak, ýürege düwülmek.

**NIÝETLEÝIŞ**, *iş ady.* Niýetlemek ýagdaýy.

**NOBAT** [no:vot], *at.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň gezekli-gezegine, yzly-yzyna gelip durmagy, gezek. **2**. Bir zat almak, görmek üçin düzülen hatar. *Nobata durmak.* **3**. Oglana dakylýan at.

**NOBATÇY** [no:votçy], *at.* Öz gezegine belli bir wagtda gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän adam.

**NOBATÇYLYK** [no:votçuluk], *at.* **1**. Nobatçynyň käri, wezipesi, işi. **2**. Nobat borjuny ýerine ýetirmeklik, gezegine nobatçy bolmaklyk. *Düýn nobatçylykdan soň geçelgede işlemeli boldum.*

**NOBATDAKY** [no:votda:ky], *syp.* **1**. Nobatda duran. *Nobatdaky adamlar.* **2**. Belli bir yzygiderlilikde bolup durýan, çykýan. *Gazetiň nobatdaky sany. Nobatdaky maslahat.*

**NOBATLAÝYN** [no:votloýun], *hal, ser.* **Nobatma-nobat**.

**NOBATMA-NOBAT** [no:votmo-no:vot]. Nobat boýunça, gezeginiň ýetişine göra, gezekli gezegine. *Göroglynyň ýigitleri nobatma-nobat garawulçylyk ederdiler* ("Görogly").

**NOBATSYZ** [no:vossuz], *syp.* Nobata durman, binobat, gezeksiz.

**NOBUR** [no:vur], *at.* Uly ýap. *Köpek art penjeleri bilen ýer dörüp, ýüzüni nobura bakan tutup hyňranýardy* (B. Kerbabaýew).

**NOGAÝ** [noğoý], *at, ser.* **Nogaýlar**.

**NOGAÝLAR** [noğoýlor], *at.* Stawropol ülkesinde, Dagystanda, Garaçaý-Çerkez respublikasynda ýaşaýan türki dilli halk.

**NOGSAN** [noğsa:n], *at.* Zyýan, zelel, kemçilik.

**NOGSANLYK** [noğsa:nlyk], *at.* Kemçilik, ýetmezçilik, zyýanly hereket.

**NOGTA** [noğto], *at.* **1**. Ýaşajyk göleleriň, köşekleriň we ş.m. mallaryň kellesine kelleki görnüşinde salyp, itmek, daňmak üçin ýüpden edilen enjam. *Häzir gölämize nogta eder ýaly ýüp işdirýän* (A. Durdyýew). *Atyny bir giň ýola salyp, nogtasyny arabanyň gorumyna ildirip ýatdy* (A. Ahundow-Gürgenli).**2**. *göç.m.* Erk, ygtyýar. *Öz nogtasyny öz enesine tabşyrýan ýigitden men-ä näme tama edip boljagyny bilýän däldirin* (B. Kerbabaýew).

◊ **Nogta salmak** erk-ygtyýaryny elinden almak, öz ugruna gidermezlik. **Nogtasyny başyna oramak** näme bolsa, şo bolsun etmek, öz ugruna goýbermek, çäklendirilmedik ygtyýar bermek. **Nogtasyny ele almak** özbaşdak hereket etmekden mahrum etmek, erk bermezlik, ygtyýaryny almak. **Nogtasyny eline bermek** erk bermek, özbaşdak hereket etmäge ygtyýar bermek.

**NOGTALAMA** [noğtolomo], *iş ady.* Nogtalamak ýagdaýy.

**NOGTALAMAK** [noğtolomok], *işl.* **1**. Nogta salmak. *Ol eşegi nogtalap mündi.* **2**. *göç.m.* Erk-ygtyýaryny ele almak, ugruna goýbermän, özüňe garaşly etmek. *Iki ýüregi biri-birine baglan güýji nogtalamak kyndy.*

**NOGTALAMAKLYK** [noğtolomokluk], *iş ady.* Nogtalamak ýagdaýy.

**NOGTALANMAK** [noğtolonmok], *işl.* **1**. Nogta salynmak.*Onuň joşgunly höwesi birbada nogtalanan tez mal ýaly suslandy* (B. Kerbabaýew). **2**. Erki elinden alynmak, garaşly edilmek, örüsi daraldylmak. *Ol özüniň nogtalanyny soň bilip galdy.*

**NOGTALAŞMAK** [noğtoloşmok], *işl.* **1**. Nogta salmaga kömekleşmek. *Öküzçäni nogtalaşmasaň, maňa başardanok.* **2**. Bilelikde nogtalamak.*Oglanlar köşeklerini nogtalaşyp durdular*.

**NOGTALATMAK** [noğtolotmok], *işl.* Nogtalamak işini başga birine etdirmek, nogta saldyrmak. *Göläni nogtalatmak.*

**NOGTALAÝYŞ** [noğtoloýuş], *iş ady.* Nogtalamak ýagdaýy.

**NOGTALY** [noğtoly], *syp.* **1**. Nogta salnan, nogtalanan. *Nogtaly göle.* **2**. *göç.m.* Erk-ygtyýary alnan, erksiz, ygtyýarsyz.

**NOGTASYZ** [noğtosuz], *syp.* **1**. Kellesine nogta salynmadyk. **2**. *göç.m.* Erk-ygtyýary alynmadyk, hereketi çäklendirilmedik.

**NOGUL** [noğul], *at.* Köplenç, içi miwe huruşly togalak süýji. *Gartaň aýallar aňyrdan gelýän adamlaryň üstünden pişme, nogul, nabat seçýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**NOGUL-NABAT** [nogul-naba:t], *at.* Dürli görnüşdäki süýjüleriň, noguldyr nabadyň umumy ady. *Nogul-nabat seçdi alyp tabagy, Ene arzuw edip ýagşydan-ýagşy* (M. Myşyýew).

**NOHUT,** *at.* Kösükli birýyllyk ösümlik, şeýle hem onuň togalajyk dänesi, hasyly. – *Biz suwly ýerden künji alyp bilemizok, sen künjini, nohudy düme ýerden aljak bolýaň – diýip, oturan ýerinden hümürdedi* (A. Gowşudow).

**NOKAT** [nokot], *at.* **1**. Kiçijik tegelejik tegmil. *Ýapragyň ýüzi kiçijik nokatlardan doludy.* **2**. *dil b.* Habar sözleminiň we käbir gysgaldylyp ýazylan sözleriň soňunda goýulýan dyngy belgi. *Habar sözleminiň soňunda nokat goýulýar.* **3**. Algebrada, nota ýazuwynda, telegraf kodunda, geografik kartalarda, meýilnamalarda we ş.m. şertli belgi hökmünde hyzmat edýän bellik. **4**. *mat.* Matematikada, şeýle hem mehanikada ölçegi, çägi bolmadyk çyzygyň kesişýän ýeri. **5**. Giňişlikdäki ýa-da bir zadyň üstündäki belli bir ýer, çäk. **6**. *fiz.* Maddanyň bir haldan başga bir hala geçişinde temperatura çägi. *Gaýnama nokady. Ereme nokady. Doňma nokady.* **7**. Bir zat üçin niýetlenen ýa-da bir alamaty bilen tapawutlanýan ýer. *Söwda nokady.*

◊ **Nokat goýmak** biri ýa-da bir zat bilen baglanyşykly bolan ähli işi gutarmak, tamamlamak.

**NOKATLAMAK** [nokotlomok]: **gep nokatlamak** birsyhly gaýtalap, heçjikläp durmak. *Öz başyna ýaňrap, gep nokatlap duran şübheli adam: – Özüňiz bilersiňiz! – diýip çykyp gitdi* (A. Gowşudow).

**NOKATLY** [nokotly], *syp.* Nokat goýlan, nokat bilen bellenen.

◊ **Nokatly otur** *dil b.* esasan, düzmeli goşma sözlemlerde ulanylyp, ýönekeý sözlemleriň arasynda goýulýan dyngy belgi (;).

**NOKATMA-NOKAT** [nokotmo-nokot], *hal.* Bolşy-bolşy ýaly, başdan-aýak, boýdan-başa, sözme-söz; anyk, dogry. *Tabşyrylan ýumşy nokatma-nokat aýdyp bermek.*

**NOKGY-NOKGY** [nokgu-nokgy], *at.* Biri tarapyndan goýar ýerde goýulman edilýän gürrüň.

◊ **Nokgy-nokgy edip oturmak** üýtgeşik gürrüň edýändirin öýdüp, goýar ýerde goýman gürläp oturmak.

**NOL** [no:l], *mat.* **1**. Ululygyň ýokdugyny aňladýan belgi: 0. *Köpetdagyň futbolçylary myhmanlary 1:0 hasaby bilen utdy.* **2**. Howanyň we ş.m. gyzgyn-sowuklygy ölçelýän şertli belgi, mukdar-möçberiň derejesi. *Şu gün Aşgabatda nol gradus boldy.*

**NOL-NOL** [no:l-nol], **1**. Deňme-deň. *Oýun nol-nol hasaby bilen tamamlandy.* **2**. Sagadyň näçedigi aýdylyp, yzyndan *nol-nol* sözi gelende, "ylaýyk" diýen manyny aňladýar, mysal üçin: *sagat on iki nol-nol* "sagat ylaýyk on iki".

**NOMER** [no:mer / no:mur], *at, gepl.d.* **1**. Bir meňzeş zatlaryň tertibini, yzygiderliligini görkezýän belgi ýa-da san (*ser.* **Belgi** we **San: tertip san belgisi**. ). *Ol haýsydyr bir nomeri sorady* (A. Gowşudow). **2**. Geýim, aýakgap we ş.m. zatlaryň san bilen bellenen ölçegi. *Egnindäki on alty nomer ýeke nil tüpeňiniň nili gaty ýokarda somalyp görünýärdi* (A. Gowşudow). **3**. Belli bir tertip, san bilen yzygiderliligi bellenýän zat. *Mekdeplerde diwar gazetleriň nomerleri yzygiderli çykarylýar.* **4**. Myhmanhanada, hammamda we ş.m. aýratyn otag, jaý. **5**. Konsertiň we ş.m. ýerine ýetirilýän, görkezilýän aýratyn bir görnüşi. *Konsertiň nomerleri biri-birinden gyzyklydy* (B. Annageldiýew). **6**. *göç.m.* Bir maksat bilen edilýän iş, pyrryldak. *Seniň ol nomeriň geçmedi.*

◊ **Nomere goýmak** *gepl.d.* bir işi bitirerin diýip bitirmän ýa bolmasa, başga bir zat edip, oňaýsyz ýagdaýda goýmak.

**NOMERLEME** [no:merleme / no:murlomo], *iş ady.* Nomerlemek ýagdaýy.

**NOMERLEMEK** [no:merlemek / no:murlomok], *işl., gepl.d.* Bir zada yzygiderli tertipde nomer goýup çykmak, tertip sanlar bilen bellemek, san belgisi bilen belgilemek.

**NOMERLEMEKLIK** [no:merlemeklik / no:murlomokluk], *iş ady.* Nomerlemek ýagdaýy.

**NOMERLENMEK** [no:merlenmek / no:murlonmok], *işl., gepl.d.* San bilen bellenmek, nomer goýulmak.

**NOMERLEŞMEK** [no:merleşmek / no:murloşmok], *işl., gepl.d.* Nomer goýmaga, yzygiderli nomerlemäge kömekleşmek.

**NOMERLETMEK** [no:merletmek / no:murlotmok], *işl., gepl.d.* Nomer goýdurmak, yzygiderliligini san belgisi bilen belgiletmek.

**NOMERLEÝIŞ** [no:merleýiş / no:murloýuş], *iş ady, gepl.d.* Nomerlemek ýagdaýy.

**NOMERLEÝJI** [no:merleýji / no:murloýjy], *at, gepl.d.* Nomerini, san belgisini goýujy (gural ýa-da adam).

**NOMERLI** [no:merli / no:murly], *syp., gepl.d.* Yzygiderli tertipde nomer goýlan, sanlar arkaly belgilenen.

**NOMERLIK** [no:merlik / no:murluk], *syp., ser.* **Nomerli**. *Sekiz nomerlik galoş.*

**NOMERLILIK** [no:merlilik / no:murluluk], *at, gepl.d.* Nomeri, tertibi barlyk, yzygiderli ýagdaýda bolmaklyk.

**NOMERSIZ** [no:mersiz / no:mursuz], *syp., gepl.d.* Yzygiderli tertipde nomer goýulmadyk, tertibi sanlar bilen bellenilmedik.

**NOMERSIZLIK** [no:mersizlik / no:mursuzluk], *at, gepl.d.* Nomeri ýokluk, san bilen yzygiderliligi bellenmedik.

**NOŞ** [no:ş] I, Düwnen çaganyň arkasyna, ýeňsesine el bilen kakylyp aýdylýan ümlük. *Ol, "noş, noş" diýip, oglanjygyň ýeňsesine ýuwaşja şapbatlady.*

**NOŞ** [no:ş] **II: noş bolsun!** nesip etsin, janyňa siňsin, janyňa ýarasyn. *Çaýyňy iç, çöregiňi iý, janyňa noş bolsun!* (B. Kerbabaýew).

**NOŞY** [no:şy], *at, gepl.d.*Soganyň ýaşy, ýaşy gök sogan.

**NOTA** [no:to] **I**, *at, sazç.* **1**. Saz sesiniň, owazynyň şertli çyzykly belgisi. **2**. Şertli çyzykly belgiler bilen ýazylan saz eseriniň ýazgysy; şonuň ýaly-da ýazgylardan ybarat kitap, depder.

**NOTA** [no:to] **II**, *dipl.* Bir döwletiň hökümetiniň başga bir döwletiň hökümetine resmi diplomatik hat bilen ýüzlenmesi.

**NOWA** [nowo], *at.* **1**. Mallary suwa ýakmak üçin agaçdan ýasalan süýri gap. *Nowalara suw guýdum, Daşdy gitdi ýar-ýar* (Toý aýdymyndan). **2**. Maşynyň, arabanyň we ş.m. ýük goýulýan, ýüklenýän ýeri.

**NOWA** [nowa:], **1**. Akyl, paýhas, aň, düşünje. *Başda nowaň bolsa beýdip ýörmezdiň, Her günde birine göwün bermezdiň* (M. Seýidow).**2**. Ujypsyz zat.*Janyňa ýakymly azat howasy, Bizde bolmaz din, adatyň nowasy* (N. Pomma).

**NOWASYZ** [nowa:syz], *syp.* Akylsyz, ýeňilkelle, aňsyz. *Ol bir nowasyz oglan eken.*

**NOWBAHAR** [nowvahar / nowwahar],*at.* **1**. Ýazyň, baharyň ilki başlanýan döwri, täze bahar; alabahar. *Zar-zar çün ebri-nowbahar ýyglady* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. *gepl.d.*Ilkinji bolan çaga, ogul, gyz. *Boýun görüp, guwananyň daşyndan, Nowbaharym – Haýdar, körpäm – Mirhesen* (Seýdi). **3**. Gyza dakylýan at.

**NOWÇA** [nowço] **I**, **1**. *syp.* Sagdyn, ýaş. *Nowça gyzlar.* **2**. Gyza dakylýan at.

**NOWÇA** [nowço] **II**, *at.* Degirmende möhreden gelýän suwuň batly çykmagy üçin edilen deşik.

**NOWELLA** [nove:lla], *at.* Çözülişi garaşylmadyk ýagdaýda tamamlanýan uly bolmadyk hekaýa; kyssa görnüşli gysgajyk eser.

**NOWELLAÇY** [nowe:llaçy], *at.* Nowella ýazýan ýazyjy.

**NOWGÜL** [nowğül], *at.* **1**. Täze gül, täze, ýaňy açylan gül. **2**. Söýgüli ýar, gözel gyz-gelin. *Başym gurban täze gelen nowgüle* (Aýdymdan). **3**. Gyza dakylýan at.

**NOWHA** [nowho], *at.* Agyly derdinme görnüşindäki aýdym. *Aşyk bolan jandan umydyn üzer, Gijeler dynmaýyn nowhalar düzer* ("Şasenem – Garyp").

**NOWHANA** [nowha:na], *at.* Derýadan baş, saka alýan giň uly ýap. *Tejen derýasynyň özeni bolan nowhana örän çuňňurdy* (B. Kerbabaýew).

**NOWJUWAN** [nowjuwa:n], *syp.* Ýaş ýigit; ýaş gyz. *Eý soltan, bir nowjuwan, Bize otlar saldy gitdi* ("Görogly"). *Aýyp kylmaň, eý ýaranlar, nowjuwan elden gider* (Mätäji).

**NOWRUZ,** *at.* **1.** Käbir Gündogar ýurtlarynyň hasaby boýunça täze ýyl çalşygy, täze ýyl çalşygynyň ilkinji güni, täze gün. *Nowruzyň garyna bäsdeşlik edip oturan pagta synym oturmanam durmady* (H. Garabaýew). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Nowruz baýramy** Alynky Aziýada, Ýakyn we Orta Gündogarda, Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda we Zakawkazýede ýazyň gelmegi bilen bellenýän baýram.

**NOWRUZGÜL** [nowruzğül], *at.* **1**. *ösüml.d.* Baldagy şahasyz we ýapraksyz, gülleri sary, gülgün, gyzyl reňkli köpýyllyk ösümlik. **2**. Gyza dakylýan at.

**NOÝABR** [noýa:vyr], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň on birinji aýy.

**NOÝBA** [no:ývo], *at.* Uzyn kösükli birýyllyk ösümlik, şeýle hem onuň süýri däneli hasyly. *Noýba hasylyny ýygnamak.*

**NOÝBALY** [no:ývoly], *syp.* Noýba goşulan, noýba atylan, noýba garylyp bişirilen. *Noýbaly unaş.*

**NÖKER** [nökör], *at, taryh.* **1**. Öňki döwürde hanyň, begiň we ş.m. garamagynda gulluk edýän adam, urşujy. *Ol serdaryň hökümini nökerlere geçirdi. Ol nirä ýüzlense, garşysyndan duşman nökeri peýda bolýardy* (B. Kerbabaýew). **2**.*gepl.d.*Biriniň tarapdary, daýanjy, ynamdar adamy. **3**. *gepl.d.* Tirkeşilýän oglan, ýoldaş. **4**. Oglana dakylýan at.

**NÖKERBAŞY** [nökörvaşy], *at.* Nökerleriň serkerdesi.

**NÖKERLIK** [nökörlük], *at.* Nökeriň wezipesi, ýagdaýy.

**NÖWERT** [nöwört], *at, dokm.* Tara guralynda daşyna dokalan mata oralýan kese agaç ýa-da turba görnüşindäki enjam.

◊ **Nöwert agajy ýaly** ýylmanak. *Bir gezek...keteni, alaça dokamagy kesp edinen Aýjan eje sakgalyny takyr edip syran ýigitleriň birine "Eňegiňi nöwert agajy ýaly edäýipsiň-ä" diýdi* ("Türkmen dili" gazeti).

**NÖWERTLIK** [nöwörtlük], *syp.* Nöwert eder ýaly, nöwert etmäge ýaramly. *Nöwertlik agaç.*

**NUKDAÝNAZAR**,*at.* Bir zat hakynda pikir,düşünje, bir zada bolan garaýyş. *Her bir raýatyň belent watançylyk nukdaýnazary bolmalydyr.*

**NUH** [nu:h], *at.* Adam Atadan soňky pygamberleriň biri.

◊ **Nuh eýýamy (döwri) 1)** Nuh pygamberiň pygamberlik edip geçen döwri. **2)** atam (babam) döwri, gadym eýýam, örän gadymy döwür. **Nuhuň gämisi** dünýäni suw-sil alanda janly-jandarlaryň, ösümlikleriň iki jynsyndan hem jübütme-jübüt edilip ýüklenen gämi. *Nuhuň gämisin dartan atamyzdan galandyr* (Kemine). **Nuhuň tupany** Nuh pygamberiň döwründe dünýäni suw-sil aldyran tupan. *Şeýle tupan boldu ki, göýä hazret Nuhuň tupany dek, köp adamlar derýanyň içinde we ýakasynda heläk boldular* ("Zöhre – Tahyr").

**NUN** [nu:n], *at.* Arap elipbiýiniň ýigrimi bäşinji harpynyň ady.

**NUR** [nu:r], *at.* **1**. Ýagty, şöhle, yşyk, ýalkym. *Ýaňy dogan Gün jandara lezzet beriji göwher nuruny dünýä saçdy* (B. Gurbanow). **2**. Adama dakylýan goşma adyň birinji ýa ikinji taýy: *Nurýagdy, Nurgözel, Allanur.*

**NURANA** [nu:ra:na], *syp.* **1**. Şöhle, nur saçyp duran, ýalpyldap duran, mylaýym hem açyk. **2**. *göç.m.* Açyk göwünli, mähirli, nurly, ýüz keşbi owadan, mylaýym garaýyşly. *Ol ýigidiň ýüzi nurana* (T. Gurbanow). **3**. Adam ady.

**NURBAT** [nurvot] **I**, *at.* **1**. Haraý, rehim, aman; mürewwet. *Pakyrlara magşarda nurbat etgen Alla seni* (Magtymguly). *Amandyr, nurbatdyr, myhman al, Garja* (Halk aýdymyndan). *Nurbat! – diýip galdy duşmanyň goly, "Ýeňilmez goşuna" güldük, dostlarym!* (Ç. Aşyrow). **2**. Oglana dakylýan at.

**NURBAT** [nurvot] **II**, *at, teh.* Aýlaw-aýlaw hyrly çüý.

**NURLANDYRMAK** [nu:rlonnurmok], *işl.* Nur çaýmak, ýüzüni ýagtyltmak. *Gurtgeldi aganyň ak ýüregi onuň ýüzüni nurlandyrdy* (B. Seýtäkow).

**NURLANMAK** [nu:rlonmok], *işl.* Ýagtylmak, nur çaýylmak. *Ýusup aga gözi düşende, onuň ýüzi nurlanyp gitdi* (B. Seýtäkow).

**NURLY** [nu:rly], *syp.* **1**. *ser.* **Nurana**. **2**. Oglana dakylýan at.

**NUSGA** [nusğo], **1**. Deňeşdirmek, kesgitlemek, bilmek üçin alnan önüm, zat. *Nusga üçin alnan nebiti çüýşejige guýduk.* **2**. Nusgalyk nagyş. *Üýtgeşik goçagyň nusgasy. Keşdäniň nusgasy.* **3**. Görelde bolar ýaly hereket. *Onuň janyny gaýgyrman zähmet çekişi hemmämiz üçin nusga bolup biler.*

**NUSGAÇY** [nusğoçy], *at.* Nusgadan hünärmen, haly, geýim we ş.m. zatlaryň nusgalyk şekilini çekiji. *Türkmenistanyň ýaş eşik nusgaçysy abraýly ýörite diplom bilen gaýdyp geldi* ("Türkmenistan").

**NUSGAÇYLYK** [nusğoçuluk], *at.* Nusga boýunça hünärmeniň wezipesi, işi.

**NUSGALYK** [nusğoluk], *at.* Nusga bolar ýaly, meňzedip eder ýaly zadyň asyl bolşy. *Nusgalyk nagyş. Nusgalyk ýazuw.*

**NUSGAWY** [nusğowy], *syp.* Nusga bolmaga mynasyp, nusga bolar ýaly; nusgawy edebiýata degişli, klassyky. *Nusgawy edebiýat.*

**NUTUK,** *at.* Köpçüligiň öňünde çykyş edilip sözlenýän söz, çykyş.

**NYGMAT** [nyğmat], *at.* Iýmit, tagam, nahar. *Dürli-dürli nygmat goýup, Sylady ol tüýs ýürekden* (Ş. Borjakow).

**NYGMATLY** [nyğmatly], *syp.* Tagam, iýmek-içmek bar bolan, nygmaty bolan. *Bu toý – müň nygmatly saçak başynda, Ýygnanan ýüzlerçe şägirdiň toýy* (K. Gurbannepesow).

**NYGTALMAK** [nyğtalmak], *işl.* Aýratyn bellenilmek, nygtalyp geçilmek. *Ýaşlaryň arasynda aň-bilim işini işeňňirleşdirmek gerek diýip nygtaldy* ("Türkmenistan").

**NYGTAMAK** [nyğtamak], *işl.* Aýratyn belläp geçmek, tekrarlamak.

**NYKAP** [nyka:p / nika:p], *at.* Ýüze tutulýan perde, ýüz örtgüsi. *Ýüze nykap çekip, bardy toýhana, Edep, hormat bilen ýüzlendi hana* (Ý. Nasyrly).

**NYRH,** *at.* Harydyň, önümiň, zadyň gymmaty; çekilen zähmet üçin baha.

◊**Nyrhyny soran bolmazlyk** ýüzüne seredilmezlik, kimsiň-nämesiň diýilmezlik, üns berilmezlik, pisint edilmezlik. *Baran ýerinde onuň nyrhyny soran bolmady.*

**NYRHNAMA** [nyrhna:ma], *at.* Önüm birliginiň ýa-da ýerine ýetirilen işiň durýan nyrhynyň, bahasynyň hasaby çykarylyp ýazylan sanaw ýazgysy.

**NYSAK** [nysa:k], *at.* Belli bir döwrüň içinde aýry-aýry adamlaryň arasynda ýoň bolan ýörelge, düzgün. *Men ilde ýok nysak çykarmadym* (B. Kerbabaýew).

**NYŞAN** [nyşa:n], *at.* **1**. Bir zady ýa-da bir ýagdaýy aňladýan alamat, belgi. *Türkmen halysy halkymyzyň milliliginiň ajaýyp nyşanydyr* ("Türkmenistan"). **2**. Birinden galan ýadygärlik, hatyralamak üçin zat. *Kimden näme nyşan galar bu dünýä* (A. Atabaýew). **3**. Bir zat mynasybetli berilýän, döşe dakylýan ýüzi şekilli tegelejik ýa-da ýasy görnüşli nyşanjyk. **4**. Döwleti tapawutlandyrýan Baýdak, Sena, Tugra ýaly aýratynlyklar.

**NYŞANA** [nyşa:na], Ok atmak, çenemek üçin ýörite goýlan, dikilen zat, bellik. *Olaryň nyşana ok atyşýandyklaryny gördi* (H. Derýaýew).

**NYŞANALAMAK** [nyşa:nalamak], *işl.* Nyşana almak, nyşana dogrulamak, çenemek.

**NYŞANALANMAK** [nyşa:nalanmak], *işl.* Nyşana alynmak.

**NYŞANALATMAK** [nyşa:nalatmak], *işl.* Nyşana aldyrmak, çenäp atdyrmak, çenetmek.

**NYŞRAT** [nyşyrat], *at.k.d.* Sypat, keşp, ýüz-göz. *Nyşratyň mojukdyr, aýrana meňzeş* (Zynhary).

**NYÝAZ** [nyýa:z], *at, k.d.* **1**. Mätäçlik, zerurlyk. **2**. Haýyş etme, ýalbarma. **3**. Wada, söz berme. **4**. Sowgat, serpaý; sadaka. *Halal-haram saýlamaz, nyýaz diýip alarlar* (Misgingylyç). **5**. Oglana dakylýan at.

**NYZAM** [nyza:m], *at.* **1**. Tertip-düzgün, kada. *Ol ýerde zähmet nyzamynyň berkleşendigi bellidi.* **2**. Tertipli durlan hatar, sap. *Esgerler nyzama durdular.*

◊ **Nyzam etmek** nyzam bilen ýöremek, mask etmek, türgenleşmek. *Ol bir topar nyzam edip ýörenleri görüp, haýran galyp durdy* (A. Durdyýew).

**NYZAMLY** [nyza:mly], *syp.* **1**. Tertipli, düzgünli, kadaly. *Iş hereketi nyzamly gidýärdi.* **2**. Tertipli, hatara, nyzama duran.

**NYZAMLYLYK** [nyza:mlylyk], *at.* Tertiplilik, düzgünlilik, kadalylyk.

**NYZAMSYZ** [nyza:msyz], *syp.* Nyzamy ýok, düzgünsiz, tertipsiz, kadasyz; başly-barat.

**NYZAMSYZLYK** [nyza:msyzlyk], *at.* Nyzamsyz ýagdaýda bolmaklyk, nyzamly dällik.

# Ň

Ň, Türkmen elipbiýiniň on ýedinji harpy.

Türkmen dilinde "ň" sesi bilen başlanýan söz ýok. "Ň" sesi sözüň ortasynda *(aňry, deňiz, teňňe...)* we soňunda *(aň, äň, heň, äheň, öleň...)* gelip bilýär.

# O

**O** [o:] **I**, Türkmen elipbiýiniň on sekizinji harpy.

**O** [o:] **II**, Geň galmagy, begenji, haýran galmagy aňladýan ümlük. *O, gör bize kim gelýär!*

**O**, *çal, gepl.d., ser.* **Ol**. *O näme diýýär?*

◊ **O diýen däl** bolmalysyndan, hemişekisinden pes derejede. *Töweregiň ýagtylygy o diýen däldi* (B. Gurbanow). **O dünýe, bu dünýe** ömürbaky, hemişe, ylahym. *Siziň hossarçylygyňyzy o dünýe, bu dünýe ýatdan çykarman* (B. Seýtäkow). *Olar şeýle bir gaty tersleşipdirler, o dünýe, bu dünýe ýüz görşer ýaly bolmandyrlar.*

**OBA** [o:vo], *at.* Daýhançylyk, maldarçylyk we ş.m. bilen meşgullanylýan ilatly ýer.

◊ **Oba göçmek** ýat bolmak, düýpgöter özgermek, ýok bolup gitmek. *Indi o döwürlerden oba göçdi*. **Oba hojalyk** ösümlikçilik we maldarçylyk önümlerini almak maksady bilen medeni ekinleri öndürmek, maldarçylygy ösdürmek, senagat üçin çig mal öndürmek boýunça maddy önümçiligiň esasy pudaklaryndan biri.

**OBAÇYLYK** [o:voçuluk], *at.* **1**. *ser.* **Obalyk 1**, **2**. *Şahyr nazaryny obaçylyga bakan sowdy* (G. Kulyýew). **2**. Oba ilatyna, oba durmuşyna mahsus däp-dessur, häsiýet, ýagdaý. *Aý, obaçylykdyr-da, gardaş, bu ýerleriň edim-gylymyna, bolşuna şäherliniň gözi bilen garama*.

**OBADAŞ** [o:vodoş], *at.* Bir obada doglan, bir obada önüp-ösen, bir obadan bolan adamlaryň ýurtdaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Obadaşlarym meniň üçin mähribandy, tapylgysyzdy* ("Edebiýat we sungat").

**OBADAŞLYK** [o:vodoşluk], *at.* Bir obadan bolmaklyk, obadaş bolmaklyk. *Obadaşlyk hatyrasyna sen meni mundan artyk gynama!* (B. Kerbabaýew).

**OBA-GARA** [o:vo-ğara], *at, gepl.d.* Oba hem onda ýaşaýan adamlar. *Oba-garalar gurgunmy?*

**OBA-IL** [o:vo-i:l], *at.* Oba we onuň halky, ilaty. *Bütin oba-il bolup toý tutduk.*

**OBALY** [o:voly], *syp.* **1**. Obada ýaşaýan, obanyň ýaşaýjysy. *Obaly oglan.* **2**. Oba bilen bagly, oba dahylly. *Ýygnakda oba hakynda kän gürrüň edilipdir diýýärler, ahyrynda obaly gürrüň näme bilen gutardyka?*

**OBALYK** [o:voluk], *at.* **1**. Oba ýeri, oba bolup oturylan ýer, oba bar bolan ýer, obaçylyk, obaly ýer. *Tilkijik ýola düşüp gidip barýarka, duşundan bir obalyk çykýar* (Halk ertekisinden). *Obalykda jarçynyň sesi ýaňlandy* (A. Gowşudow). *Onuň bir ujy ilerki gum eteginden başlap, gaýraky obalyklaryň eteginde gutarýardy* (B. Seýtäkow).

**OBAMA-OBA** [o:vomo-o:vo], *hal.* Gezek-gezegine hemme obalara, ol obadan beýleki oba. *Onuň ýol boýy obama-oba sowlup, öz dostlarynyň ýanyna baryp, ine şu hem gelşi eken* (A. Gowşudow). *Şatlykly habary obama-oba aýdyp çykdyk.*

**OBA-OBA** [o:vo-o:vo], *hal, ser.* **Obama-oba**. *Aýlansaň-da oba-oba, Taýmaz ýaly bälçik baba Tapaýmarsyň, tapaýmarsyň...* (K. Gurbannepesow).

**OBA-ŞÄHER** [o:vo-şäher], *at.* Oba hem şäher. *Oba-şäherlerimizde abadançylyk işleri güýçli depgin bilen alnyp barylýar.*

**OBLAST** [o:blast], *at, taryh.* TSSR döwründe iri bäş sany administratiw-çäk birligi. *Aşgabat oblasty, Mary oblasty, Daşhowuz oblasty, Çärjew oblasty, Krasnowodsk oblasty. Berdimuhamet Annaýew on ýyldanam gowrak wagt mundan öň, Aşgabat oblast magaryf bölüminiň ýollamasy bilen şu oba mekdep direktory bellenipdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**OBRAZ** [o:buroz], *at.* Çeper eseriň gahrymanynyň häsiýeti, keşbi. *B. Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanynyň baş gahrymany Artygyň obrazy.*

**OBURMA** [o:vurmo], *iş ady.* Oburmak ýagdaýy.

**OBURMAK** [o:vurmok], *işl.* Bir zadyň içini, ýüzüni, gyrasyny oýmak; goparmak. *Güýçli gelen suw derýanyň hanasynyň gyralaryny oburupdyr. Çukuryň gyrasyny oburmak. "Näme, haýatyň düýbüni oburyp çykdyňyz?" diýip, çagajyklaryň ejesi gatyrgandy.*

**OBURMAKLYK** [o:vurmokluk], *iş ady.* Oburmak ýagdaýy.

**OBURTMAK** [o:vurtmok], *işl.* Bir zadyň içini, ýüzüni, gyrasyny oýdurmak, oýular ýaly, gopar ýaly etdirmek.

**OBURYLMAK** [o:vurulmok], *işl.* Bir zadyň içi, ýüzi, gyrasy oýulmak, gopup aýrylmak. *Haýatyň käbir ýeri oburylypdyr.*

**OBURYLYŞMAK** [o:vurluşmok], *işl.* Belli derejede, birneme oburylmak.

**OBURYŞ** [o:vuruş], *iş ady.* Oburmak ýagdaýy.

**OBURYŞMAK** [o:vuruşmok], *işl.* **1**. Oburmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde oburmak. *Çagajyklar elleri kiçijik pilli haýatyň düýbüni oburyşyp durdular.*

**OÇERK** [o:çerk], *at, edeb.* Durmuşy wakany beýan edýän uly bolmadyk edebi eser. *Ylaýta-da türkmen nebitçileriniň durmuşyndan hekaýalary we oçerkleri köpräk çap etmek gerek* ("Watan").

**ODA** [o:do] **I**, *at,edeb.* Taryhy wakanyň ýa-da belli şahsyň hormatyna dabaraly äheňde ýazylan şygyr, waspnama.

**ODA-KÖZE** [o:do-kö:zö]: **oda-köze düşmek** ynjalygyň gaçyp, iki ýana urunmak, howsalaly ýagdaýa düşmek, gyssanmak. *Ogulnur bu habary eşidip, oda-köze düşdi* (H. Derýaýew).

**ODANMA** [o:donmo], *iş ady.* Odanmak ýagdaýy.

**ODANMAK** [o:donmok], *işl.* Bir zada gynanmak, bir zadyň ugrunda oda-köze düşmek. *Onuň sözleri Garlynyň gahar bilen odanýan ýüregini sowadyp bilmedi* (N. Jumaýew). *Gyzlar näçe odansalaram, mundan artyk anyklap bilen zatlary bolmady* ("Edebiýat we sungat"). *Sygyrlar, gök ýorunja gözleri düşüp, odanyp başladylar*.

**ODANMAKLYK** [o:donmokluk], *iş ady.* Odanmak ýagdaýy.

**ODANYŞ** [o:donuş], *iş ady.* Odanmak ýagdaýy.

**ODANYŞMAK** [o:donuşmok], *işl.* Bilelikde birnäçe bolup odanmak.

**ODUGYBERMEK** [o:duğuvermek], *işl.* Hyjuwy artybermek, öjügibermek, gyzybermek.

**ODUGYŞ** [o:duğuş], *iş ady.*Odukmak ýagdaýy.

**ODUK-BUDUK**, *at.* Aňry-bäri, ojuk-bujuk zat. *Bar, mamaňa aýt, iýmäge-de oduk-buduk taýýynlasyn* (G. Kulyýew). *Horjuna oduk-buduk salyşdyr* (A. Nazarow).

**ODUKDYRMAK** [o:dukdurmok], *işl.* Odugar ýaly etmek, odukmak derejesine ýetirmek. *Perman ony has-da odukdyrmak üçin, ýüzüni bir gapdala sowup, çalaja ýylgyrdy* (A. Gowşudow). *Şol gürrüňler Aýnany büs-bütin odukdyrdy* (B. Kerbabaýew).

**ODUKDYRYJY** [o:dukdurujy], *syp.* Hyjuwyny artdyryjy, öňküden hem beter gazabyny artdyryjy, öjükdiriji. *Olaryň ikisi-de sap söýginiň odukdyryjy güýjüni diňe indi duýup galdy* (G. Kulyýew).

**ODUKMA** [o:dukmo], *iş ady.* Odukmak ýagdaýy.

**ODUKMAK** [o:dukmok], *işl.* Hyjuwy has artmak, öňküden hem beter gyzmak, öjükmek. *Sagjak ýaly edip aşagyndan geçmekçi bolanda, ota odugyp duran düýe ony depip goýberipdir* (N. Pomma).

**ODUKMAKLYK** [o:dukmokluk], *iş ady.* Odukmak ýagdaýy.

**ODUN** [o:dun], *at.* Ýangyç üçin böleklenen, owradylan ojar, çeti-çerkez ýaly agaçlar. *Oduny ýygana ýakdyr, maly gazanana bakdyr* (Nakyl).

**ODUN-ÇÖP** [o:dun-çöp], *at, ser.* **Odun**. *Olam agşama çenli odun-çöp ýygyp, çaý-çörek taýýarlamalydy* (B. Annageldiýew).

**ODUNÇY** [o:dunçy], *at.* Odun taýýarlamak bilen meşgul bolýan adam, odun ýygýan adam. *Ýetim gözi çemçede, odunçyňky omçada* (Nakyl).

**ODUNÇYLYK** [o:dunçuluk], *at.* Odunyň, odun-çöpüň köp ýeri, odunyň bol ýeri.

**ODUNLY** [o:dunly], *syp.* Oduny bar bolan, oduny bol.

**ODUNLYK** [o:dunluk], *syp.* **1**. Odun üçin ulanylýan, ýakylýan (agaç). *Odunlyk agaç.* **2**. *at.* Odunyň bol ýeri. *Odunlyk meýdan.*

**ODUNLYLYK** [o:dunluluk], *at.* Oduny barlyk.

**ODUNSYZ** [o:dunsuz], *syp.* Oduny ýok, oduny bolmadyk.

**ODUNSYZLYK** [o:dunsuzluk], *at.* Odunsyz bolmaklyk, oduny ýokluk.

**ODUNHANA** [o:dunha:na], *at.* Odun saklanýan jaý, tam.

**ODUR-BUDUR** [odur-vudur], *at.* Aňry-bäri, oduk-buduk, ojuk-bujuk, ownuk-uşak. *Ol eli sypynan wagty odur-budur ýasamak bilen meşgullanýardy* ("Edebiýat we sungat").

**OFISER** [ofise:r], *at, taryh.* Ýaragly Güýçleriň ýolbaşçylar düzümine girýän harby gullukçy (*ser.* **Serkerde**). *Serhetçi esgerler, ofiserler-de, Gelip myhman bolardylar bu ýerde* (M. Seýidow).

**OGAR-OGAR** [oğor-oğor], *at,* çagalaryň biri-biriniň yzyna hatara düzülip oýnaýan oýny.

◊ **Ogar-ogar oýnamak** biri-biriniň yzyna hatara düzülip oýnamak. *Ogar-ogar oýnaýas diýsene* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew). **Ogar-ogar bolup ýörmek** söw-söw syryşyp ýörmek, işsiz aýlanyşyp ýörmek, toparlanyşyp, bikär gezmek. *Henizlerem gidip barýan ogar-ogar, togar-togar* (K. Gurbannepesow).

**OGLAN** [oğlon], *at.* **1**. Erkek jynsly çaga, ogul çaga. *Oglanlary kemala gelenlerinden soň, ikisi çopan-çoluk bolup gitdi, biri talabançylyk edip başlady* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d., ser.* **Çaga**. *Oglan howlugar, tudana wagtynda bişer* (Nakyl). *Oglana ýumuş buýur, yzyndan özüň ýüwür* (Nakyl). **3**. Ýetginjek, ýigdekçe, ýigit; ýaş. *Gözenekden bakma, oglan, Göz-gaşyňy kakma, oglan* (Halk döredijiliginden). **4**. *göç.m.* Ýetginjeklere, ýaş ýigitlere, köplenç, gyzlar, ýaş gelinler tarapyndan ýüzlenilende aýdylýan söz. *Ýeri, oglan, sen bu ýerde näme işleýärsiň?* (B. Kerbabaýew).

◊ **Oglanlaryň ejesi** erkek adamlaryň öz aýalynyň adynyň deregine käwagtlar ulanýan aňlatmasy. *Geçen ýyl oglanlaryň ejesi çagalary bilen mellegimizi dyrmaşdyryp tohum atdy, ine ep-esli bugdaý çykdy duruberdi* (A. Gowşudow). **Oglanlaryň kakasy** aýal maşgalalaryň öz adamsynyň adynyň deregine käwagtlar ulanýan aňlatmasy.

**OGLANLY** [oğlonly], **1**. *syp.* Oglany, çagasy bar. *Oglanly öý – bazar, oglansyz öý – mazar* (Nakyl). **2**. Oba ady.

**OGLANLYGYNA** [oğlonluğno], *hal.* Entek oglanka, oglan wagtynda. *Ol oglanlygna surat çekmegi arzuw edip başlapdy.*

**OGLANLYK** [oğlonluk], *at.* Çagalyk, ýetginjeklik ýaşyna çenli bolan döwür, kiçilik. *Bularyň üçüsi-de şu obada önüp-ösen, oglanlykdan bile gezen deň-duşlardy* (A. Gowşudow).

◊ **Oglanlyk etmek** ýaşlygy, tejribesizligi sebäpli kemter hereket etmek. **Oglan ýaly** ýaşy oglanlykdan geçen-de bolsa, hereketi, edim-gylymy, pikirlenişi ogalnyňka meňzeş bolan, sada. *Adam çykypsyň, oglan ýaly bolmasana.*

**OGLANLYLYK** [oğlonluluk], *at.* Erkek oglany bar bolmaklyk, oglanly bolmaklyk.

**OGLAN-OGLANJYK** [oğlon-oğlonjuk]: **oglan-oglanjyk däl** ýaş däl, çaga däl, zat görmedik däl, tejribesiz däl.

**OGLANSYRAMA** [oğlonsuromo], *iş ady.* Oglansyramak ýagdaýy.

**OGLANSYRAMAK** [oğlonsuromok], *işl.* Özüňi ýaş oglan ýaly alyp barmak.

**OGLANSYRAMAKLYK** [oğlonsuromokluk], *iş ady.* Oglansyramak ýagdaýy.

**OGLANSYRAÝYŞ** [oğlonsuroýuş], *iş ady.* Oglansyramak ýagdaýy.

**OGLANSYZ** [oğlonsuz], *syp.* Ogly, oglany ýok, çagasyz .

**OGLANSYZLYK** [oğlonsuzluk], *at.* Oglansyz bolmaklyk.

**OGLANTAK** [oğlontok], *syp.* Entek ýaş, kämillige ýetmedik, oglanrak. *Seni oglantak wagtymda görenim ýadymda.*

**OGLAN-UŞAK** [oğlon-uşok], *at.* Ýaş çagalar, bala-çagalar, kiçijik çagalar. – *Goýun gelýä! – diýen gykylyk bilen aýal-erkek, oglan-uşak barysy, goýnuň öňünden çykyp, sürüli goýun-guzyny ýaňky Garaçuňňula gabadylar* (H. Derýaýew).

**OGRAŞ** [oğroş], *at, syp., göd. s.* Oýnaş.

**OGRAŞLYK** [oğroşluk], *at,göd. s.* Özüňi ýeňles alyp barmaklyk, ahlak taýdan bozuklyk, orramsylyk.

**OGRUÇYLYK** [oğruçuluk], *at, ser.* **Ogrulyk**.

**OGRULYK** [oğruluk], *at,* **1.** Ogrynyň kesbi. **2.** Ogurlanan zat. *Eziz atly iberip, ogrulyk ýöňkelýän ýigidi getirtdi* (B. Kerbabaýew).

**OGRY** [oğry], *at.* Ogurlyk edýän adam, ogurlyk bilen meşgul bolýan adam. *Ýalançy ýarymaz, ogry baýymaz* (Nakyl).

◊ **Ogry syrty gowşak** nädogry iş edeni üçin müýnürgeýän, batyrgaý deprenmeýän. *Kelekbaýyň hoşallyk bilen razy bolanyny gören märeke: "Hä, ogry syrty gowşak bolýan eken" diýip düşündi* (B. Kerbabaýew).

**OGRY-JÜMRI** [oğru-jümrü], *at, ser.* **Ogry**.

**OGRY-KEZZAP** [oğru-kezza:p], *at.* Ogry we hilegär, mekir, kezzap. *Ogry-kezzap bilen obadaş bolma, Malyňdan aýyryp, aç eder seni* (Magtymguly).

**OGRYN** [oğruýn], *hal.* Ýaşyrynlyk bilen, gizlin, bildirmän, duýdurman. *O-da iller ýaly ätiýaç etdi, Kän gezek galpyldap ogryn seretdi* (A. Kekilow).

**OGRYNÇA** [oğruýnço], *hal.* Gizlinlik bilen, ýaşyrynlyk bilen, assyrynlyk bilen, ýuwaşlyk bilen, bildirmän, gizlin, ýaşyryn. *Ol ogrynça kellesini öwrüp, Anton aganyň ýüzüne assyrynlyk bilen seretdi* (H. Ysmaýylow).

**OGRYN-DOGRYN** [oğruýn-noğruýn], *hal.* Kä gizlin, käte-de açyk, ýaşyryn hem aýdyň, bildirip hem bildirmän. *Ogryn-dogryn baksam gyza-geline, şonda-da gelmezmiň ýigitlik çagy* (Kemine).

**OGRYN-DOGRYNLYK** [oğruýn-noğruýnluk], *at.* Gizlinlik hem açyklyk, ýaşyrynlyk hem aýdyňlyk, bildirip hem bildirmmän. *Ogryn-dogrynlyk bilen iş görýänlere çäre görülýär.*

**OGRYNLYK** [oğruýnluk], *at.* Bildirmän gizlinlik bilen bir zat etmeklik. *Emma weli, ogrynlyk bilen Gözele seretmesini kesmeýärdi* (A. Durdyýew).

**OGRYNLYKDA** [oğruýnlukdo], *hal, ser.* **Ogrynça**.

**OGRYN-OGRYN** [oğruýn-oğruýn], *hal.* Birsyhly, yzly-yzyna gizlin ýagdaýda, gizlinlik bilen.*Ogryn-ogryn gözleýşiň, Ot saldy jana söwdügim* (Kemine). *Mekdep müdiriniň ünjüsi bardy, Ogryn-ogryn oň ýüzüne garaýardy* (A. Kekilow).

**OGŞABERMEK** [oğşa:vermek], *işl.* Ogşap ugramak, öpübermek, posa alybermek.

**OGŞALMAK** [oğşolmok], *işl.* Biri tarapyndan posa alynmak, öpülmek.

**OGŞAMA** [oğşomo] **I**, **II**, *iş ady.* Ogşamak ýagdaýy.

**OGŞAMAK** [oğşomok] **I**, *işl.* Gowy görýändigiňi bildirmek üçin birine dodaklaryňy degirmek, öpmek. *Gülendam Göroglynyň daşyndan üç mertebe aýlanyp, maňlaýyndan ogşady* ("Görogly").

**OGŞAMAK** [oğşomok] **II**, *işl., şahyr.* Meňzemek, meňzeş bolmak. *Haý-haý seniň ýörişiň, arslana sire ogşar, Halka-halka zülpleriň kemendi dara ogşar* (Kemine).

**OGŞAMAKLYK** [oğşomokluk] **I**, **II**, *iş ady.* Ogşamak ýagdaýy.

**OGŞAŞDYRMAK** [oğşoşdurmok], *işl.* Ogşap çykmak, birin-birin öpüp çykmak, öpüşdirmek.

**OGŞAŞMAK** [oğşoşmok], *işl.* Bir-biriňi ogşamak.

**OGŞATMAK** [oğşotmok] **I**, *işl.* Başga biriniň ogşamagyna ýol bermek, öpdürmek. *Al ýaňakdan kä ogşadyp, kä ogşap, Ýüz-gözüňi synlarmykam, Artyk jan!* (B. Kerbabaýew).

**OGŞATMAK** [oğşotmok] **II**, *işl., şahyr*. Birine, bir zada meňzetmek. *Elip dek kamatyň ogşatma dala, Gurban olam serwi kaddy nahala* (Mollanepes).

**OGŞAÝYŞ** [oğşoýuş] **I**, **II**, *iş ady.* Ogşamak ýagdaýy.

**OGŞUK** [oğşuk] **I**, *at.* **1**. Iki ýaşar düýe. *Şokurdap il ürküzer, ogşuk bahaly içmek* (Kemine). **2**. Oglana dakylýan at.

**OGŞUK** [oğşuk] **II**, *at.* Birine ýa-da bir zada söýgi, mähir bildirilip alynýan posa. *Daşdan ogşuk zyňýar, gülýär, degişýär.*

**OGUL** [oğul], *at.* **1**. Ene-atanyň erkek çagasy, erkek perzent, dogma, zürýat. *Ata kesbi ogla halal* (Nakyl). **2**. Nätanyş, keseki adamlaryň ýaş ýigitlere "ýigit, jigi we ş.m." diýen manyda ýüz tutanlarynda aýdýan sözi. *Sen, oglum, häzir näçe ýaşyňda?* (B. Kerbabaýew). **3**. Ene-atalaryň öz ogluna ýüzlenende ulanýan sözi. *Oglum, bar mallary suwa ýak.* **4**. *gepl.d*. Çaga, perzent.

◊ **Ogul agtyk 1)** öz ogluňdan bolan çaga, öz ogluň çagasy. **2)** öz ogluň erkek çagasy. **Ogul ýaşy uzyn bola (bolsun) !** ogly, ogul agtygy bolan adamlara ýüzlenilip aýdylýan gutlag, ýagşy arzuw, niýet, alkyş.

**OGULBOLDY** [oğulvolly], *at.* **1**. Çagasy bolan öýüň diwaryndaky halydyr çuwallaryň ýüzüne ak pagtadan edilýän her hilije güller. *Gyzlar, gelinler pagtadan gunda edip, onuň öýüniň içini ogulboldy bilen bezeýärdiler.* **2**. Goýundyr geçiniň iç ýagynda bolýan içi suwluja haltajyk, suwly barda. **3**. Gyza dakylýan at.

**OGUL-GYZ** [oğul-ğy:z], *at.* Nesliň dowamy bolan çagalar, perzent, zürýat. *Ataň-enäň göwni ogulda-gyzda, ogluň-gyzyň göwni dag bilen düzde* (Nakyl). *Ogul-gyzyň köp bolsun! Olaryň eýgiligini gör* (B. Seýtäkow).

**OGULHAJAT** [oğulha:jat], *at.* **1**. Külembikäniň ýanyndaky barmagyň ady, dördünji barmak. *Onuň ogulhajadyndaky gyrmyzy gaşly ýüzüginiň ýylpyldysy şindi hem gözümiň öňünden gidenok* (T. Gurbanow). **2**. Gyza dakylýan at.

**OGULLY-GYZLY** [oğullu-ğy:zly], *syp.* Ogly-gyzy bar bolan, çagaly-çugaly, perzentli. *Hawa, ol hem ogully-gyzly adamdy* (A. Gowşudow).

**OGULLYK** [oğulluk], *at.* **1**. Öweý ogul. **2**. Ogul deregine kabul edilen çaga, hakyky öz perzendiň hökmünde kanuny alnan çaga. *Görogly özüne mynasyp ogullyk gözleýär* ("Görogly").

◊ **Ogullyk etmek** hakyky ogul ýaly hyzmat etmek, ogul ýerini tutmak, ogul dereginde durmak. *Öwezjan, eşitseň Göroglyň sözün, Bize bir ogullyk etmegiň gerek* ("Görogly").

**OGULLYLYK** [oğulluluk], *at.* Ogully bolmaklyk, ogly barlyk.

**OGULSYZ** [oğulsuz], *syp.* Ogly bolmadyk, ogly ýok, zürýatsyz. *Kim ogulsyz ötse mundan, Ojagynda küller galmaz* (Aýdym).

**OGULSYZ-GYZSYZ** [oğulsuz-ğy:ssyz], *syp.* Ogul-gyzy bolmadyk, perzentsiz.

**OGULSYZLYK** [oğulsuzluk], *at.* Ogluň ýokluk, zürýatsyzlyk.

**OGURLABERMEK** [oğurla:vermek], *işl.* Kesekiniň zadyna el garybermek, ogurlyk edibermek.

**OGURLAMA** [oğurlomo], *iş ady.* Ogurlamak ýagdaýy.

**OGURLAMAK** [oğurlomok], *işl.* Kesekiniň zadyny bildirmän almak, özgäniň zadyna el garmak, bir zady gizlinlik bilen almak, ogurlyk etmek. *Ogurladym üç gyzyň-da suratyn, Ýazdym arkasyna ýadygär hatyn* (K. Gurbannepesow).

**OGURLAMAKLYK** [oğurlomokluk], *iş ady.* Ogurlamak ýagdaýy.

**OGURLAMAZLYK** [oğurlomozluk], *iş ady.* Ogurlyk etmezlik.

**OGURLANMAK** [oğurlonmok], *işl.* Ogurlap alynmak, ogurlyk edilip alynmak.

**OGURLAŞMAK** [oğurloşmok], *işl.* **1**. Birine ogurlamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup ogurlamak.

**OGURLATMAK** [oğurlotmok], *işl.* **1**. Ogurlamak işini başga birine etdirmek. *Ondan soň ýer astyndanadam iberip, onuň goýnundan ogurlatmaga başlady* ("Görogly"). **2**. Öz zadyň ogurlanmagyna ýol bermek, zadyňy aldyrmak, gidermek. *Ýitirdiňizmi ýa-da ogurlatdyňyzmy?* (A. Durdyýew).

**OGURLAÝŸŞ** [oğurloýuş], *iş ady.* Ogurlamak ýagdaýy.

**OGURLYK** [oğurluk], *at, syp.* Ogurlamak netijesinde ele salnan, ogurlanyp alnan (zat). *Ogurlyk goýun. Biziň arkamyzdakylar ogurlyk däl, öz zadymyz ahyry* (A. Gowşudow) (sypat). *Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar* (Nakyl) (at).

**OGURLYK-JÜMÜRLIK** [oğurlyk-jümürlik], *at.* Edýän işiň iliň zadyny ogurlamaklyk, ogry ýa jümri bolmaklyk.

**OGUŞÝA** [oğuşýa:]. "Eken, şeýle eken, şeýlemiş" manysynda ulanylýan kem işlik. *Inerden, elbetde, ýurdagaýdar göherdem dogýan oguşýa-da?* (B. Kerbabaýew).

**OGUZ** [oğuz], *at, ser.* **Oguzlar**.

**OGUZLAR** [oğuzlor], *at.* Merkezi we Orta Aziýada ýaşan türki dilli taýpalaryň, şol sanda türkmenleriň, azerbeýjanlaryň, türkleriň, gagauzlaryň ata-babalary.

**OH**, **1**. Ökünji, gynanjy, ahmyr çekmegi aňladýan ümlük. *Oh, ol-a bolmandyr.* **2**. *ser.* **Oho**. – *Oh, oglum! – diýip, Berdi aga ikilenç Annaguly bilen ýene görüşdi* (A. Durdyýew).

**OHAW** [oho:w], Birine ýa-da märekä ýüzlenilip aýdylýan ýüztutma sözi. *Ohaw, adamlar, bir gulak goýuň* ("Edebiýat we sungat").

**OHO**,Geň galmagy, haýran galmagy, aňka-taňka bolup galmaklygy aňladýan ümlük. – *Oho! – edip, Baýramow mölerilip bakdy-da, rejäniň geň däldigini aňyp, onuň ýanyndan aýryldy* (H. Ysmaýylow).

**OJAGAZ-BUJAGAZ** [ojağaz-vujağaz], *at, ser.* **Odur-budur.**

**OJAK** [o:jok], *at.* **1**. Palçykdan, kerpiçden, demirden ýasalan ýa-da ýerden gazylyp, içinde ot ýakylýan, çaý-nahar taýýarlamak üçin niýetlenen hojalyk enjamy. *Ojagyň başynda çommalyp oturdy-da, elini oduň üstüne tutdy* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Bir zadyň merkezi, dörän, ýüze çykan ýeri; bir zadyň ýaýran ýeri. *Medeniýet ojagy.* **3**. *gepl.d.* Öý, öý-içeri, hojalyk. *Bir armanym galdy, zürýat diýmedim, Ojagyn göç basan, kör Jygaly ogly* ("Görogly"). *Her bir maşgala ojagyna agzybirlik, arzuw edýäris.*

**OJAKBAŞY** [o:jokbaşy], *at.* Öýüň duluna, aýallaryň oturýan gap böwrüne, ojagyň başyna düşemek üçin dokalýan kiçiräk haly. *Gap dula çaklaňrak ojakbaşy şaplaşyp duran bolsa, Zybanyň ýanyndan tä Atanyýazyň namaz okap duran ýerine çenli aralyga düýphaly görk berýär* (Ý. Mämmediýew).

**OJAKBAŞYLYK** [o:jokbaşylyk], *syp.* Ojakbaşy dokamak üçin gerekli (serişdeler).

**OJAKGÖMME** [o:jakgömmö], *at, gepl .d., ser.* **Gömme**.

**OJAKKILIM** [o:jakkilim], *at, gepl. d., ser.* **Ojakbaşy**.

**OJAKSA** [o:jokso], *at,gepl.d.* Öýüň içindäki ojagyň daşyna aýlanan pessejik aýlaw tagtasy, aýmança.

**OJAR** [ojor], *at.* **1**. Gumda bitýän, çalymtyl reňkli, ownuk pürli sazak, gara sazak. **2**. Oglana dakylýan at.

**OJARGARAK** [ojorğarak], *at.* Selmeler maşgalasyndan bolup, şorlukda ösýän gyrymsy agaç ösümligi.

**OJARLYK** [ojorluk], *at.* Ojaryň köp biten ýeri, ojaryň bol ýeri. *Bir salymdan soň, çagalar depäniň öňündäki ojarlyga ýygnandylar.*

**OJUK-BUJUK**, *at, ser.* **Odur-budur**. *Men bazardan alan ojuk-bujuk zatlarymy alyp, öýe girdim* (R. Gelenow).

**OK I**, *at.* **1**. Ýaýdan atylýan, ujy peýkamly, kirşe ildirilýän ýeri kertikli we ýelekli uzyn göni çybyk görnüşli peýkam. *–Oksuz galdy golda ýaýym, Batdy meniň günüm, aýym* (Magtymguly). **2**. Tüpeňden atmak üçin içi därili, seçmeli peşeň, doly peşeň. **3**. Atylan okuň degen ýerinde galýan gurşun bölegi.

◊ **Oka düzmek** köp adamy atyp öldürmek, ok atyp gyrmak. **Oka gelmezlik** hilegärlik, mekirlik edip, ele düşmezlik, işiň üstünde tapylmazlyk. *Terslin-oňlyn böker-de, ol sap atar, Oka gelmez, gözlerine çöp atar* (Ý. Pirgulyýew). **Oka tutmak** ok atyp başlamak, ok ýagdyrmak. **Ok bolup degmek** güýçli täsir etmek, çendenaşa gynandyrmak. *Ol habar Dursuna ok bolup degdi* (B. Kerbabaýew). **Ok bolup geçmek** *ser.* **Ok bolup degmek**. *Diýen sözleri içimden ok bolup geçdi*. **Okdan geçirmek** atyp öldürmek, tüpeňläp öldürmek. **Okdan ötürmek** *ser.* **Okdan geçirmek**. **Oky nyşana gelende atmak** bir zadyň çemini gözlemek, maýyny tapmak, ýeri gelerine garaşmak, her işi ýeri gelende etmek. **Ok ýaly 1**) göni. *Annagulynyň ýüregine Altynyň ok ýaly kirpikleri sanjylan ýaly boldy* (A. Durdyýew). **2)** örän çalt, batly. *Itler ok ýaly bolup topuldylar* (H. Derýaýew). *Indi guş edil ok ýaly bolup, göni aşaklygyna gaýtdy* (H. Ysmaýylow).

**OK II**, *at.* **1**. Iki ujuna tigir geýdirilýän uzyn demir. **2**. Azal, araba we ş.m. ýaly gurallarda boýunturugyň ortasyna dakylýan uzyn göni agaç. *Azalyň oky ýerinde bolsa-da, tutawajy çykypdyr, demri poslapdyr* (B. Kerbabaýew). **3**. Dörtburçluk şekilinde salnan binanyň, desganyň bir tarapy, ganaty. *Haýatyň oky. Peliň oky.* **4**. Juwazyň sokusynyň içinde aýlanyp, künjiniň, çigidiň ýagyny çykarýan agaç. **5**. Çelpek ýaýmak we ýaýylan çelpegi daşyna orap, gazana ýazgyn taşlamak üçin ulanylýan inçe agaç, oklawyň bir görnüşi.

**OKABERMEK** [oka:vermek], *işl.* Ýazylan bir zady sesli ýa-da içiňden okap başlamak.

**OKADYLMAK** [okodulmok], *işl.* Okatmak işi amal edilmek. *Çagalar obanyň ilersindäki mekdepde okadylýar.*

**OKADYŞ** [okoduş], *iş ady.* Okatmak ýagdaýy.

**OKADYŞMAK** [okoduşmok], *işl.* Okatmaga kömek etmek.

**OKALGA** [okolğo], *at.* Kitaplardyr gazet-žurnallary okamak üçin ýöriteleşdirilen jaý. *Bahar bir gapdaldaky okalga jaýyndan gazet alyp çykdy* (A. Gowşudow). *Dolar okalgalar, bolmaz boş ýeri, Her kim talap eder dürli eseri* (A. Kekilow).

**OKALMAK** [okolmok], *işl.* Ýazylan, çap edilen haty, gazeti, eseri we ş.m. sesli ýa-da içiňden okap, mazmunyna düşünmek.

**OKAMA** [okomo], *iş ady.* Okamak ýagdaýy. *Onuň iliň hatyny okamasy birhili.*

**OKAMAK** [okomok], *işl.* **1**. Ýazylan zady sesli beýan etmek ýa-da içiňden sessiz gözden geçirmek, tanyşmak. *Magtymguly dikelip oturdy-da, ýaňyja tamamlan setirlerini penjirä bakan tutup, howlukman dykgat bilen okamaga durdy* (G. Kulyýew). **2**. Sowat, bilim almak, ylymly, bilimli bolmak üçin okuw mekdebinde tälim almak. **3**. Dem salmak, doga sanamak. **4**. Aýtmak, diýmek. *Biçäre Dilaram derdini beýan kylyp, bir gazal okady* ("Melike–Dilaram"). *Gurhan okamak. Aýat okamak.* **5**. *göç.m.* Biri ýa-da bir zat hakynda birine birsyhly gep bermek.

◊ **Namaza durmak** namazlygyň üstüne geçip, namaz okamaga başlamak. **Namaz okamak** musulmanlarda: bäş wagt namaz parzyny günde bäş wagtyna namaza durup, aýat okap eglip-galmak arkaly berjaý etmek. *Ertir namazyny okamak. Öýle namazyny okamak. Ikindi namazyny okamak. Agşam namazyny okamak. Ýassy namazyny okamak.*

**OKAMAKLYK** [okomokluk], *iş ady.* Okamak ýagdaýy.

**OKAMAZLYK** [okomozluk], *işl.* Okamak işini berjaý etmezlik, ýerine ýetirmezlik, okaman durmak, okaman oturmak.

**OKARA** [okoro], *at.* Nahar iýilýän kiçiräk agaç gap. *Bar, okaram, gel, okaram, barmasaň, gelmeseň, ara ýolda döwül, okaram* (Sanawaç).

◊ **Okaraňy getir süýt bereýin** kekene. **Okara ýaly** ullakan, balkyldap duran (göz hakynda). *Onuň okara ýaly owadan gözleri bardy.*

**OKARALAMA** [okorolomo], *iş ady.* Okaralamak ýagdaýy.

**OKARALAMAK** [okorolomok], *işl.* Bir zat alnyp-berlende ölçeg hökmünde okarany ulanmak, okara bilen almak, bermek, ölçemek.

**OKARALAÝYŞ** [okoroloýuş], *iş ady.* Okaralamak ýagdaýy.

**OKARA-OKARA** [okor(o)-okoro], *at.* Birnäçe okara, köp sanly okara. *Okara-okara agaran içeňde gaňşyrawugyňy tütedýän gorly çal Amanyň agzyna has-da ýakymlyrak degýärdi* (B. Kerbabaýew).

**OKARYK** [oka:ryk], *at.* Keşlere suwy gyradeň goýbermek üçin keşleriň gapdalyndan keseligine gazylýan ýap.

**OKAŞDYRMAK** [okoşdurmok], *işl.* Okap çykmak, hemmesini okamak.

**OKAŞMAK** [okoşmok], *işl.* **1**. Bir haty we ş.m. okamaga kömek etmek. *Men oňa köne golýazmany okaşdym.* **2**. Birnäçe bolup, bilelikde okamak.

*Olaryň hemmesi Rejebiň ýoldaşlary, agşamlaryna bile kitap okaşan, işleşen çagalarydy* (H. Ysmaýylow). *Oglan-gyzlar okaşyp ýör garyşyp, Yhlas bilen ylym alýar ýaryşyp* (N. Annagylyjow). **2**. Çalt we çeper okamakda ýaryşmak. *Iki dost oglan biri-birinden ökde çykjak bolup, goşgy okaşdylar*.

**OKATDYRMAK** [okotdurmok], *işl.* **1**. Kitaby, haty we ş.m. başga birine okatmak. *Ejem onuň ýazan hatlaryny tapyp, okatdyryp eşidýärdi.* **2**. Möý, ary, içýan, ýylan çakanda biler-bilimsege doga okatmak.

**OKATMAK** [okotmok], *işl.* **1**. Okamak işini başga birine etdirmek.*Şahyr ýaňyja ýazan goşgusyny okatmak üçin dostuna uzatdy.* **2**.Birine sowat öwretmek, bilim bermek. **3**. Okamaga mümkinçilik bermek, rugsat etmek. *Ol gyzyny uniwersitetde okadýar.*

**OKAÝYŞ** [okoýuş], *iş ady.* Okamak ýagdaýy. *Onuň goşgyny labyzly okaýşy oturan adamlara ýarady.*

**OKAÝJY** [okoýjy], *at.* Çap etmek üçin ýygnalan ýazgyny okaýan, asyl nusgasy bilen barlap, deňeş-dirýän çaphana, neşirýat, metbugat işgäri.

**OKÇY**,*at.* **1**. Ýaýyň okuny atmaga ökde mergen. **2**. Mergen. *– Eý, Saýat han, okçy bolsaň, şu almany urgul – diýdi* ("Saýatly – Hemra").

**OKDAN** [okda:n], *at, harby.* **1**. Ok gutusy, oklaryň ýerleşýän gaby; sagdak. **2**. Seçme, däri salynýan teletin gap.

**OK-DÄRI** [ok-dä:ri], *at.* Ok hem däri, ot açýan ýaragy atmak üçin gerek bolan serişdeler.

**OKDURYLMA** [okdurulmo], *iş ady.* Okdurylmak ýagdaýy.

**OKDURYLMAK** [okdurulmok], *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň üstüne hyjuwly, çalasyn topulmak. *Möjegiň kellesine gözi düşen badyna Perman atyna baka okduryldy* (A. Gowşudow). **2**. Çalt hereket etmek, okgunly gitmek. *Akar suw täzeräk arçalan ýabyň içi bilen ýňdarylyp, aşaklygyna bakan okduryldy* (Ý. Mämmediýew).

**OKDURYLMAKLYK** [okdurulmokluk], *iş ady.* Okdurylmak ýagdaýy.

**OKDURYLYŞ** [okduruluş], *iş ady.* Okdurylmak ýagdaýy.

**OKEAN** [okiýa:n / akiýa:n], *at.* Ýeriň materikleri we adalary gurşap alýan suw örtügi, materikleriň arasyndaky suw giňişligi.

◊ **Dünýä okeany** Ýer togalagynyň 70,8 %-ini tutýan suw giňişligi (*ser*. **Umman 2**).

**OKGÖZI** [okgözü], *at.* Hala we el işlerine salynýan, burçlary birleşýän üç bölek ownuk nagyş.

**OKGUN**, *syp.* Güýçli meýil, hyjuw, hyruç, okgunlylyk.*Okgun ýürek bolsa, ok hem kär etmez* (B. Kerbabaýew).

**OKGUNLY**, *syp.* **1**. Örän çalt, çalasyn, hyjuwly, batly, güýçli hereket edýän; hyruçly. **2**. *göç.m.* Ýiti, täsirli, berk. *Okgunly sözleri, örüm saçlary, Tor bolupdyr Akmyradyň daşyna* (A. Kekilow). *Ol gele-gelmäne oturanlara okgunly nazaryny dikip, bir salym içki işikde durdy* (T. Gurbanow).

**OKGUNLYLYK** [okgunluluk], *at.* **1**. Örän çalasyn hereket edijilik, çalasynlyk, hyjuwlylyk, batlylyk. *Şu ýaşlaryň şowhuny, gülküsi, işe okgunlylygy maňa-da birneme täsir edýär öýdýän* (N. Baýramow). **2**. *göç.m.* Ýitilik, täsirlilik, berklik.

**OKGUÝAR** [okguýor], *at.* Gülle guýulýan galyp.

**OK-GYLYÇ**, *at.* Palasyň gyrasyna salynýan gözenek şekilli nagyş.

**OKKESDIRME** [okkessirme]: **okkesdirme geçmek** toý-tomaşada märekäniň öňünden gaty çalasynlyk bilenat çapdyryp geçmek. *Boldy uly şowhun, tä oba gelýänçä saz çalyp, aýdym aýtdylar, at çapyp okkesdirme geçdiler* ("Görogly").

**OKLABERMEK** [okla:vermek], *işl.* Bir zady bir ýerden başga bir ýere zyňybermek, oklap başlamak.

**OKLAMA** [oklomo] **I**, **II**, *iş ady.* Oklamak ýagdaýy.

**OKLAMAK** [oklomok] **I**, *işl.* Bir zady bir ýerden başga bir ýere zyňmak, taşlamak. *Jübüsindäki petde kagyzy patladyp, onuň öňüne oklady* (B. Kerbabaýew). *Gaçyran köwşüni aldy-da, "päheý" diýip, iç işige gowuşgynsyz oklap goýberdi* (H. Derýaýew).

**OKLAMAK** [oklomok] **II**, *işl.* **1**. Ot açýan ýaraglaryň agzyna ok sürmek. **2**. Peşeňiň içine däridir seçme, gülle salyp taýýarlamak.

**OKLAMAKLYK** [oklomokluk] **I**, **II**, *iş ady.* Oklamak ýagdaýy.

**OKLANMAK** [oklonmok] **I**, *işl.* Biri ýa-da bir zat nirädir bir ýere zyňylmak, taşlanmak. *Itiň öňüne uly bir omaça oklandy.*

**OKLANMAK** [oklonmok] **II**, *işl.* Ýaraga ok sürülmek, salynmak. *Tüpeňler oklandy.*

**OKLAŞDYRMAK** [okloşdurmok] **I**, *işl.* Oklap çykmak, hemmesini taşlaşdyrmak, zyňyşdyrmak. *Çöregiň ýeke-ýekeden arkasyny gazaşdyryp, saçagyň üstüne oklaşdyrdy* (A. Durdyýew).

**OKLAŞDYRMAK** [okloşdurmok] **II**, *işl.* Ot açýan ýaraglara ok sürüp çykmak; gülle bilen gülleläp çykmak.

**OKLAŞMAK** [okloşmok] **I**, *işl.* **1**. Zyňmaga, oklamaga kömekleşmek. *Jaý salýan ussa kerpiç oklaşmak.* **2**. Bilelikde oklamak. *Adamlar garpyzlary biri-birine oklaşyp, derrew maşyna ýüklediler*.

**OKLAŞMAK** [okloşmok] **II**, *işl.* Birine peşeňiň içine däridir seçme salyşmak.

**OKLATMAK** [oklotmok] **I**, *işl.* Zyňmaga, oklamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek, mejbur etmek.

**OKLATMAK** [oklotmok] **II**, *işl.* Ýaraga ok sürdürmek; peşeňi ok-däri bilen doldurtmak.

**OKLAW** [oklow], *at.* Hamyr ýaýmak üçin ulanylýan, çybyk şekilli edilip, agaçdan ýasalýan bir ujy inçemik aşhana guraly.

◊ **Oklaw ýaly** gös-göni, dos-dogry, hiç ýana gyşarmaýan. *Oklaw ýaly köçeler.* **Oklaw (agaç) ýuwdan ýaly** dim-dik bolup duran, dikelip duran, doňan ýaly bolup duran. *Ol oklaw ýuwdan ýaly bolup, dim-dik bolup durdy.*

**OKLAÝÝŞ** [okloýuş] **I**, **II**, *iş ady.* Oklamak ýagdaýy.

**OKLUK**, *at.* Ok gaby; sagdak.

**OKLUKIRPI**, *at.* Gemrijiler maşgalasyndan bolan, bedeni syh-syh, ala uzyn tikenli süýdemdiriji haýwan.

**OKLY**, *syp.* Ok sürlen, içinde oky bolan (tüpeň hakynda).

**OKLY-GÖKLI** [oklu-ğöklü], *hal, gepl.d.* Biri bilen gatnaşygy aňrybaş derejede erbet, gaty ters. *Okly-gökli bolmak.*

**OKSUZ**, *syp.* Ok sürülmedik, okhanada oky bolmadyk.

**OKSUZLANDYRMAK** [oksuzlonnurmok], *işl.* Ot açýan ýaragyň okuny çykarmak, aýyrmak.

**OKTÝABR** [oktýýa:vyr], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň onunjy aýy.

**OKUMA** [okumo], *at.* Eliň barmaklarynyň bognundan çykýan ýiti agyryly çykuw.

**OKUMYŞ** [okumuş], *at.* **1**. Bilimli, ylymly, köp okan adam. *Asyl okumyş adamynyň sözleri bir başga, ap-aýry bolaýýar* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Köpbilmişlik,mekirlik edýän, köpbilmiş, mekir, hilegär. *Serwijan özüni okumyş bilip ýördi* ("Görogly").

**OKUMYŞLYK** [okumuşluk], *at.* Okumyşyň ýagdaýy, okumyş bolmaklyk.

**OKUNMAK** [okunmok]: **duşman okunmak** özüňe duşman bilmek, duşman saýmak, duşmandyr öýtmek.*Biderek ýerden duşman okunmak nämä gerek* (A. Gowşudow).

**OKURYK** [okuruk], *at.* Juwazyň ýüküni (leňňerini) malyň boýny bilen birleşdirýän agaç.

**OKUW**, *at.* **1**. Bilimi, taglymaty, endigi özleşdirmek, türgenleşdirmek, ele almak üçin geçirilýän çäre. **2**. Aýry-aýry derslere bagyşlanan sapak. **3**. *gepl. d.* Okuw jaýynda berilýän hünär. *Hoşgeldi, ýogsa-da, seniň gutaran okuwyň haýsy ugurdandyr* (A. Gowşudow).

**OKUWÇY**, *at.* **1.** Başlangyç, orta, ýörite orta, hünärment mekdeplerinde okaýan oglan, gyz. **2**. Biriniň ýolbaşçylyk etmeginde ylym alyp, onuň taglymatlaryny dowam etdirýän adam, şägirt. *Beýik alymyň okuwçysy.* **3**. Bir hünäri, senedi öwrenýän öwreniji.

**OKUWÇYLYK** [okuwçuluk], *at.* Okuwçynyň ýagdaýy, okuwçy bolup okamaklyk. *Bu sowal oňa okuwçylyk döwründe-de ynjalyk bermeýärdi* (B. Seýtäkow).

**OKUWLY**, *syp.* Okap sowat alan, bilimli, ylymly. *Ol okuwly hem örän görmegeý adamdy* (H. Derýaýew).

**OKUWLYLYK** [okuwluluk], *at.* Okuwy barlyk, okuwly bolmaklyk.

**OKUWSYZ** [okuwsuz], *syp.* Ýörite bilim almadyk, bisowat.

**OKUWSYZLYK** [okuwsuzluk], *at.* Okuwly dällik, okuwy ýokluk, sowatsyzlyk, bilimsizlik. *Okuwsyzlyk görer göze körlükdir, Tä ölýänçäň öz janyňa horlukdyr* (Mollamurt).

**OKYJY** [okuýjy], *at.* **1**. Çeper, ylmy we ş.m. eserleri okaýan, okamak bilen meşgullanýan adam. **2**. Jemgyýetçilik kitaphanalaryna, okalgalara gatnap, kitap okaýan adam. *Etrap merkezinde ýerleşen kitaphana okyjylara göreldeli hyzmat edýär.*

**OKÝAP** [okýa:p], *at.* Esasy göni ýap. ...*Ol okýabyň boýy bilen gowaça meýdanynyň ortasyna baka ýöräp ugrady* (Ö. Abdyllaýew).

**OK-ÝARAG** [ok-ýarağ], *at.* Uruşda, söweşde ulanylýan ýaraglaryň jemi.

**OK-ÝAÝ** [ok-ýa:ý]. *at.* **1**. Irki döwürlerde ulanylan, ujy peýkamly agaç ok atýan ýarag, ok we ýaý, keman. *Jygaly beg agtygyna bir ok-ýaý ýasap berdi* ("Görogly"). *Galandar, şu galada bir ok-ýaý barmyşyn* ("Görogly"). **2**. *zergärç.s.* Erkek oglanyň kürtesiniň, donunyň arkasyna dakylýan okly ýaý görnüşindäki aşagy şelpeli, düwmeli bezeg şaýy.

**OKÝETIM**, *at.* Ýakyn aralyk, atylan ok ýeter ýaly aralyk. *Depämizde okýetim belentlikden durnalar gurruldaşyp, toýnuk gurap uçuşyp barýarlar* ("Edebiýat we sungat").

**OKÝYLAN** [okýyla:n], *at.* Okdurylyp gaty, çalt hereket edýän, uzyn inçe ala ýylan. *Garaguşa kakdyraýma, Gara möýe sokduraýma, Okýylana çakdyraýma, Töweregiňe gara, köşek* (M. Garryýew).

**OL**, *çal.* **1**. Üçünji adamyň adyna derek ulanylýan şahs görkeziji at çalyşmasy ( *ol* sözüniň düşümlerde ulanylyşy: *ol, onuň, oňa, ony, onda, ondan*). *Belki, ol hem seniň bilen göwündeşdir* (B. Kerbabaýew). **2**. Birini ýa-da bir zady görkezmek üçin ulanylýan görkezme çalyşmasy. *Ol kitap – "Görogly" kitabydy* (A. Gowşudow).

**OLAR** [olor], Üçünji şahsyň köplük sanyndaky at çalyşmasy. *Ýaşululara aýratyn sarpa goýmak, her bir işde olara geňeş etmek, türkmeni tapawutlandyrýan häsiýetleriň biridir* ("Watan").

**OLARÇA** [olorço], *hal.* **1**. Olaryň pikiriçe, olara görä. *Olarça biziň pikirimiz nädogrumyş.* **2**. Olar ýaly, olaryň derejesinde. *Bizem olarça işläp bileris.*

**OLARLYK** [olorluk], *at.* **1**. Olaryň tarapynda bolmaklyk, olaryň tarapdary. *Sizem olarlyk bolduňyzmy?* **2**. Olara dahylly, olara degişli. *Biziň olarlyk işimiz çykdy.*

**OLARYŇKYÇA** [oloruňkuço], *hal, ser.* **Olarça 1**.

**OL-BU** [ol-vu / ol-vü], Dürli zatlardyr ahwalatlaryň, işlerdir gürrüňleriň we ş.m. sanawyna derek ulanyp bolýan tirkeş söz. *Gelnime ol-bu işleri tabşyrasym gelýär* (O. Ödäýew).

**OLDURYK** [olluruk], *at.* Aýakgabyň içine laýyk edilip goýulýan keçe ýa-da deri bölegi, petek. *Akja keçeden olduryk kesip oturan Gulgeldi ýene käýinjiräp ugrady* (N. Hojageldiýew).

◊ **Olduryk ýaly** azajyk. *Maňa olduryk ýaly zadyňam dözen dälsiň.*

**OLDURYKLAŞMAK** [olluruklоşmok], *işl.* **1**.Olduryklamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde olduryklamak.

**OLDURYKLATMAK** [olluruklotmok], *işl.* Birine aýakgabyň içine olduryk saldyrmak. *Çokaýy olduryklatmak.*

**OLDURYKLYK** [ollurukluk], *at.* Olduryk etmäge ýaramly keçe, deri bölegi, peteklik. *Ata köne keçeden olduryklyk kesindi.*

**OLIMPIA** [olimpiý:a], *at. kön.s.* Olimpiadanyň ilkinji geçirilen şäheriniň ady.

**OLIMPIADA** [olimpiýa:da], *at.* **1.**Gadymy greklerde Olimpiýa şäherinde geçirilen sport ýaryşlary. **2.** Olimpiýa oýunlarynyň dört ýyldan bir gezek geçirilýän halkara sport ýaryşy.

**OLJA** [oljo], *at.* **1.** Duşmandan üstün çykylanda ýa-da bir oba, ýurt talananda alynýan zatlar. **2.** *göç.m.* Aňsatlyk bilen düşen zat, gazanç, ýeňil düşewünt. *–Bu oljany bize hudaý berdi, Görogly – diýip, Köse zaňňar telpegini atyp-atyp ýere urýar* ("Görogly"). *Molla Kemine, sen-ä bir oljanyň üstünden barypsyň öýdýän* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden).

◊ **Oljasy oňmak** oňat düşewünt düşmek, bir zady ele salmak; işiň bitip, keýpiň kök bolmak. *Onuň aýdym sesini eşidenler: – Sary körüň oljasy oňupdyr-ow! – diýşerdiler* (A. Gowşudow).

**OLMAK** [olmok], *işl., kon.s., ser.* **Bolmak**. *Söz bile için açyp, gabyz olup dolan köňlüm* (Magtymguly).

**OLTA**, *at, gepl.d.* Müňňürt balyklar tutulýan iň kiçijik çeňňegiň bir görnüşi.

**OLTAŇ** [oltoň], *at.* Aýakgabyň aşagyna ýamalýan, kakylýan, ýelmenýän gön, teletin ýama.

**OLTAŇLAMA** [oltoňlomo], *iş ady.* Oltaňlamak ýagdaýy.

**OLTAŇLAMAK** [oltoňlomok], *işl.* Çokaýyň we ş.m. aşagyna gön, teletin tikmek, oltaň ýamamak. *Ol çatmada çokaýyny oltaňlap otyrdy.*

**OLTAŇLATMAK** [oltoňlotmok], *işl.* Başga birine oltaň tikdirmek.

**OLTARMA I**, **II**, *iş ady.* Oltarmak ýagdaýy.

**OLTARMAK I**, *işl.* Pikirlenmek, oýlanmak; öz ýanyňdan toslamak, toslap tapmak, oýlap tapmak, toslama gürrüňler aýtmak. *Özüni mahabatlap, gürrüň baryny oltardy* (R. Gelenow).

**OLTARMAK II**, *işl., gepl.d., ser.* **Oltaňlamak**. *Ol hem ýa çagalarynyň aýakgabyny ýamardy, ýa öz çokaýyny oltarardy, ýa çat açan çanaklaryny çeňklärdi,ýa iş gurallarynyň ýetmezini düzedişdirerdi* (N. Hojageldiýew).

**OLTARTMAK** Pikirlendirmek, oýlandyrmak.

**OLTARYŞ I**, **II**, *iş ady.* Oltarmak ýagdaýy.

**OLTARYŞMAK**, *işl.* Oltaň salmaga kömekleşmek. *Aýakgaplary oltaryşmak.*

**OLUM I**, *at.* Akýan suwuň geçilýän ýalpak we mallaryň suwa inýän ýeri; güzer, geçelge. *Golun sallap maral gabak periler, Iner olumyndan däli Gürgeniň* (Magtymguly). *Şol sese sabyrsyz garaşýan Garaja ýapa dyrmaşanda, süriniň agramy çeşmäniň olumyna eňdi* (R. Gelenow).

**OLUM II**: **olumyny almak** biriniň gylyk-häsiýetini, göreldesini almak. *Gyzy hem ejesiniň olumyny alypdyr.*

**OMAÇ** [omoç], *at.* **1.** Ýer sürülýän ýönekeýje azalyň ýerdemir geýdirilýän bölegi, ýogyn agaç. *Jykyr bilen suw çekýän, omaç bilen ýer ekýän beşir daýhany dälmidi?* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *göç.m.* Ujy tommaýly taýak.

**OMAÇA** [omoço], *at.* But ýa-da gol süňküniň bişirilen bir bölegi. *Ýüz tomaşadan bir omaça* (Nakyl). *Men hem şol toýdan bir okara palaw bilen ullakan bir omaça alyp gelýärdim* (Halk ertekisinden).

**OMADAKLAMA** [omodoklomo], *iş ady, gepl.d.* Omadaklamak ýagdaýy.

**OMADAKLAMAK** [omodoklomok], *işl., gepl.d.* Elleriňi ýere berip, dört aýak bolup ýöremek, emedeklemek. *Eňňitden omadaklap gelmek.*

**OMÇA** [omço], *at.* Sazagyň, ojaryň ýogyn ýeri, düýbi.

**OMMUGRAK** [ommuğra:k], *syp.* Biraz, sähel ommuk.

**OMMUK**, *syp.* Başy, ujy, jüründigi döwlüp aýrylan, omruk. *Küýzegär ommukdan suw içer* (Nakyl). *Ommuk çäýnek.*

**OMONIM** [omo:ni:m], *dil.b.* Sözleriň aýdylyşy we ýazylyşy meňzeş bolan aýry-aýry manyly sesdeş sözler. (meselem: *çal* [ça:l]$_1$ reňk ady, *çal* [ça:l]$_2$ içilýän süýt önümi).

**OMPA** [ompo]: **ompa oturmak 1**) otyrýeriňi ýere birden goýberip oturmak. *Ilarasynda "aw öňüňde ompa otursa, ýaragyňy taşlamalymyş" diýen gürrüň bar.* **2**) başaşak, aşagy ýokaryk, ýokarsy aşak bolup durmak, oturmak. *Atylan dört aşygyň biri ompa oturdy.* **Ompa oturtmak** birini gepde, sözde, jedelde we ş.m. basmak, ýeňmek. *–...Goçmyradyň öýünde bir maýor bilen duşuşdym, şol ýigit gaty ylymly bolara çemeli, asyl menem ompa oturtdy – diýip gürledi* (A. Gowşudow).

**OMRAKAÝ** [omrokoý], *hal.* **1.** Bol, köp, ep-esli. *Agzyndakyny ýuwudyp, ýagdan omrakaý aldy* (B. Kerbabaýew). **2.** Ýokarrakdan, burnuň üstünden ýaşynmak (ýaşmak hakynda). *Birdenkä bolsa aljyraňňylyga düşüp, ýaşmagyny omrakaý ýaşyndy* (B. Kerbabaýew). **3.** Ýogyn, togalak (düwün düwlüşi hakynda).*Çyplak eýerlenen ulaglaryň guýruklary omrakaý düwlüp, uýanlary gaňtarylyp goýulýardy* (B. Kerbabaýew).

**OMRUBERMEK** [omruvermek], *işl.* Iki bölüp, döwüp aýrybermek, döwübermek.

**OMRUGRAK** [omruğra:k], *syp.* Biraz, sähel omruk.

**OMRUK**, *syp.* Erňegi uçan, döwlen (*ser.* **Ommuk**). *Omruk küýze.*

**OMRULMAK** [omrulmok], *işl.* Döwlüp aýrylmak, döwülmek, uçmak. *Elbetde, iki goç götinläp, zarba bilen baş uranda, biriniň ýa şahy uçmaly ýa-da oňurgasy omrulmaly bolýar* (H. Derýaýew).

**OMRULYŞMAK** [omruluşmok], *işl.* Köpüsi, bary omrulmak. *Görsem, käýerdäki baglaryň äpet şahalary omrulyşyp ýatan eken* (R. Gelenow).

**OMRUŞ**, *iş ady.* Omurmak ýagdaýy.

**OMRUŞDYRMAK** [omruşdurmok], *işl.* Hemmesini döwüşdirmek, ýykyşdyrmak, ýumruşdyrmak, omurmak. *Ala sygyr agaçlaryň şahalaryny omruşdyrypdyr.*

**OMRUŞMAK** [omruşmok], *işl.* **1**. Omurmaga kömek etmek. *Agajyň guran şahalaryny omruşmak.* **2**. Bilelikde omurmak. *Olar ýogyn ojarlary omruşyp ýördi.*

**OMURDAN** [omurdon],*at.* **1**. Goluň bedene birigýän ýeri, çigin. *El uzadanyň goluny omurdanyndan omrup taşlaryn* (B. Kerbabaýew). **2**. Egin-eşigiň ýeňiniň omza birigen ýeri. *Biriniň jalbary elhal syrdambitin bolsa, köýnegi omurdanyndan düşüp, çigni gyzaryp durdy* (H. Derýaýew).

**OMUR-JOMUR: omur-jomur etmek** güýç talap edýän bir işi derrew ýerine ýetirmek, çalt hötdesinden gelmek. *Ýaşulynyň edenli ogly bar, suw tutmalam bolsa, ýer depmelem bolsa, ýandak ýatyrmalam bolsa, öňünde iş duranok – edil ýöne omur-jomur edip barýar.*

**OMURMA** [omurmo] **I**, *iş ady.* Omurmak ýagdaýy.

**OMURMA** [omurmo] **II**, *at, ser.* **Goşa**. *Şeýle çus bolsa-da, oslagsyz oturan pyýada omurmasyna ok salýança, çöl guşy asmana göterildi* ("Edebiýat we sungat").

**OMURMAK** [omurmok], *işl.* Iki bölmek, döwüp aýyrmak, döwmek.

**OMURMAKLYK** [omurmokluk], *iş ady.* Omurmak ýagdaýy.

**OMURTDYRMAK** [omurtdurmok], *işl.* Bir zady birine omurtmak.

**OMURTMAK** [omurtmok], *işl.* Omrular ýaly etdirmek. *Howludaky ýogyn ojar Atamyrat aga omurdar öýdemok.*

**OMUZ**, *at.* **1**. Bedeniň boýun bilen gol aralygyndaky bölegi, egin, omurdan. *Özüniň güýçli bilegine, omuzlaryna daýanyp, garşydaşynyň bilini alardy* (Ý. Mämmediýew). **2**. Egin-eşigiň ýakasy bilen ýeňiniň aralygyndaky bölegi. *Onuň çep omzunda nämelerdir bir zatlar ýazylgy tegelek demir bardy* ("Edebiýat we sungat").

**OMUZLAGRAK** [omuzloğra:k], *syp.* Biraz omuzlak.

**OMUZLAK** [omuzlok], *syp.* Ýasy çiginli, eginlek, gerdenlek. *Bu on bäş ýaşly omuzlak ýigitdi* (A. Atajanow).

**OMUZLAMA** [omuzlomo], *iş ady.* Omuzlamak ýagdaýy.

**OMUZLAMAK** [omuzlomok], *işl.* Türkmen göreşinde biri-biriňe omzuňy diräp tutluşmak. *Pälwanlar biri-birini omuzlap, gaçarak saklanyşyp, eýläk-beýläk itnişip, tegelegiň içinde öwrüm etdiler* ("Edebiýat we sungat").

**OMUZLAŞMAK** [omuzloşmok], *işl.* Biri-birine omuz direşmek, biri-birini omuzlamak. *Aýdurdyň erkegi birden kellesini sypdyryp, Ýagmyryň erkegi bilen omuzlaşdy* (N. Pomma).

**OMUZLAÝYŞ** [omuzloýuş], *iş ady.* Omuzlamak ýagdaýy.

**OMYN** [o:muýn], *at.* "Alla kabul etsin, goý şeýle bolsun" diýen manyda ulanylýan söz. *Baryň, ýoluňyz ýagty, maňlaýyňyz açyk bolsun! Omyn!* (G. Kulyýew).

◊ **Omyn diýip galmak** ekilen ekinler gowy gögermek, ösmek. **Omyn etmek** aýat-töwwir etmek, töwwir galdyryp bermek; töwwir galdyrmak.

**OMZABERMEK** [omza:vermek], *işl.* Omzap ugramak.

**OMZAMA** [omzomo], *iş ady.* Omzamak ýagdaýy.

**OMZAMAK** [omzomok], *işl.* **1**. Güýç bilen öňe dyzamak, öňe süýşmäge çalyşmak. öňe sürünmek. *Dyknyşyga düşen ýigit bar güýji bilen omzap, jaýyň daşyna çykmak isledi.* **2**. Oturan ýerinden birine tarap golaý süýşmek, sürünmek. *Oturan ýeriňe suw çykdymy, ýöne maňa baka omzap gelýäň?!.*

**OMZAMAKLYK** [omzomokluk], *iş ady.* Omzamak ýagdaýy.

**OMZAŞMAK** [omzoşmok], *işl.* Birnäçe bolup, öňe omzamak. *Olar ony ykjam diňlemek üçin ileri-ileri omzaşdylar* (A. Nazarow).

**OMZATMAK** [omzotmok], *işl.* Bar güýji bilen uzatmak. *Ol üzeňňili aýagyny ilerräk omzadyp, arkan gaýyşdy* (B. Kerbabaýew).

**OMZAÝYŞ** [omzoýuş], *iş ady.* Omzamak ýagdaýy.

**ON** [o:n], *san.* 10 belginiň ady we onuň aňladýan sany. *Halysynyň kenary, on barmagnyň hünäri* (Hüwdüden).

◊ **On iki synaň gowşamak** tutuş bedeniňde gowşaklyk duýmak, lagşamak, ysgynsyzlanmak. *Onuň on iki synasynyň bary birden gowşady, endamyny sowuk der gaplap aldy* (B. Kerbabaýew).

**ONBAŞY** [o:nmaşy], *at.* **1**. *taryh.* On esgeriň serkerdesi. **2**. Oglana dakylýan at.

**ONBAŞYLYK** [o:nmaşylyk], *at.* Onbaşynyň wezipesi, ýagdaýy.

**ONBEGI** [o:nmeği], *at.* **1**. *ser.* **Onbaşy**. *Onbegi nämäniň nämedigine diňe şonda düşünip galdy* (Ý. Pirgulyýew).**2**. Adam ady.

**ONBEGILIK** [o:nmeğilik], *at.* Onbeginiň ýagdaýy.

**ONBIRATAR** [onmi:ratar], *at.* Daragyna on bir ok ýerleşýän tüpeň.

**ONBIRÇILLE** [onmi:rçille], *at.* Tara daragynyň syklygyny we inini, şonuň ýaly-da dokalan matanyň inini aňladýan ölçeg birligi.

**ONÇA** [onço], *çal.* **1**. Onuň ýaly ýagdaý, beýle ýagdaý. *Ol işi bitirmi, bitirmezmi, onçasyny bilemok* (B. Seýtäkow). **2**. Onuň ýaly köp mukdardaky. *Toba! Toba! Onça puly nätjek?* (A. Nazarow). **3**. Göz öňünde tutulýan adamça, onuň ýaly, onuňça, biriçe. *Men, näme, onça ýokmy, onuň başaranyny başarmaz*

*öýdýärmiň?* **4**. Deňeşdirilýän zatça. *Bu matany-ha onça göremok.*

**ONÇAKLY** [onçokly], *hal.* O diýen, şeýle bir, beýle. *Biz şol işi wagtynda onçakly başarmadyk* (H. Derýaýew).

**ONÇA-MUNÇA** [onço-munço], *syp.* Onuň ýaly, munuň ýaly, eýle-beýle. *Onça-munça zatlary geňläp oturasy iş ýok.*

**ONÇA-ONÇA** [onço-onço], *syp.* Şolar ýaly, olar ýaly, şonuň ýaly, onuň ýaly, ol hili. *Onça-onça kynçylyga döz geljek bolmaly.*

**ONÇILLE** [o:nçille], *syp.* Tarada dokalýan matanyň ini on çilleden ybarat (*ser.* **Çille**). *Onçille keteni.*

**ONDA** [onno], *hal.* Soňky ýagdaýda, indiki ýagdaýda.*Okasyň gelmeýän bolsa, onda näme işlejek?*

**ONDA-MUNDA** [onno-munno], *çal.* **1**. Her ýerde, käbir ýerlerde. *Häli-şindi, onda-munda raketalar atylyp, gijäni gündizlige öwürýärdi* (H. Ysmaýylow). *Daň ýyldyzy ýokary galdygyça, aşagy agaryp, onda-munda gögerişip oturan çöp-çalamlar görnüşip, töwerek giňän ýaly bolup başlady* (H. Derýaýew). **2**. Her hili geňlenäýmegi mümkin ýerde. *Saňa onda-munda görünýärmişiň diýýärler, şol aýdylýanlar ugrunda barmy?*

**ONDAK-MUNDAK** [onnok-munnok]: **agzyňy ondak-mundak urmak** birine diliňe gelen hapa sözleri aýtmak. *Sen agzyňy ondak-mundak uran bolma.*

**ONDAN-MUNDAN** [onnon-munnon], *çal.* O ýerden – bu ýerden, her ýerden, nirelerdendir bir ýerden, eýleden-beýleden. *Ýelli ondan-mundan eşiden sözlerini ýadyna saldy* (A. Gowşudow). *Iki goja şeýdip, ondan-mundan söz açyp, ýerlerinden turman işlediler* (G. Kulyýew).

**ONDAN-OŇA** [onnon-oňo], *çal.* Bir ýerden başga bir ýere, ol ýerden başga bir ýere, iki ýana. – *...Buşluk! – diýip, habar berýän çagalar oba arasynda ondan-oňa ylgaşýardylar* (B. Kerbabaýew). *Tüsseleç bulut bölekleri ondan-oňa asuda göçüp-gonup ýör* ("Edebiýat we sungat").

**ONGÜNLÜK** [o:ngünlük], *at.* **1**. Aýyň üçden biri, on günüň içindäki wagt. *Aýyň birinji ongünlüginde howa maýyl boldy.* **2**. On gün möhlet bilen dowam edýän medeni çäre. *Bu kitap türkmen edebiýatynyň we sungatynyň golaýda geçiriljek ongünlügine gabatlanyp çykaryldy.*

**ONKOLOG** [onko:lok], *at.* Onkologiýa boýunça hünärmen (lukman).

**ONKOLOGIÝA** [onkolo:ğiýa], *at.* Lukmançylygyň çişleriň ýüze çykmagynyň sebäplerini, olaryň ösüşini, şeýle-de çişli keselleriň döremeginiň öňüni almagy we olary bejermegi öwrenýän bölümi.

**ONLAMA** [o:nlomo], *at, edeb.* Goşgy düzülişiniň on setirden durýan görnüşi.

**ONLARÇA** [o:nlorço], *syp.* Ençeme ondan ybarat .

**ONLUK** [o:nluk], *at.* **1**. 10 belgini görkezýän sanyň ady. *Olaryň gözündäki onluk, ýüzlük, bäş ýüzlük nomerleri seljerdi* (B. Kerbabaýew). **2**. On manatlyk kagyz ýa-da gyzyl metal pul. *Ol jübüsinden bir onluk çykaryp berdi.* **3**. Oýnalýan on gülli kart. *Kim bilýär bankçy oňa näme biýr, Onluk gelip düzelermi ýigrimbir* (A. Kekilow). **4**. Käbir zatlaryň ölçegini kesgitleýän, görkezýän san. *Ol ýanyp duran onluk çyranyň ýagtysyna kitap okaýardy* (A. Gowşudow).

**ONSOŇ**, *hal, ser.* **Soňra**.

**ONSUZ**, *hal.* Ol ýok bolsa, ol bolmasa, ol bolmadyk halatynda. *Onsuz günümiz geçmez.*

**ONUNJY** [o:nunjy], *san.* 10 sanyndan ýasalan tertip san.

**ONY-MUNY** [onu-muny], *çal.* Kim-de bolsa birini, haýsydyr bir zady (*ser.* **O-bu**). *Ony-muny soramak.*

**ONÝANÇA** [onýa:nça:], *hal.* Hereketiň amala aşmaly wagtynyň öň ýany, öňinçäsi. *Onýança kepbäniň ilersinden at aýagynyň sesi eşidildi* (H. Derýaýew). *Ol basym gelmeli bolsa, onýança men şu ýerde garaşaýaýyn.*

**ONÝYLLYK** [o:nýyllyk], *at.* On ýyl üçin niýetlenen.

**OŇ I**, *syp.* Haýyrly, şowly, ugruna, oňat, peýdaly. *Ykballynyň ugran işi oň görner, Dünýä ýüzi ele girse, taň görner* (Magtymguly). *Şu oň işi düzetmek hakynda maňa kömek ber!* (A. Gowşudow).

◊ **Oň bolsun!** şowly, haýyrly, başlanan işiň şowly, ugruna bolmagy arzuw edilip aýdylýan alkyş sözi.

**OŇ II**, *syp., kön.s.* Sag, çep däl.

**OŇALGA** [oňolğo], *at.* Oňňut, gün-güzeran, ýaşaýyş üçin azyk önümleri.

**OŇALGALY** [oňolğoly], *syp.* Oňňut, günema, ýaşaýyş üçin zerur serişdesi bar bolan.

**OŇALGALYK** [oňolğoluk], *syp.* Oňňut etmek üçin ýeterlik zat.

**OŇALGASYZ** [oňolğosuz], *syp.* Oňňut, günema, ýaşaýyş üçin zerur serişdesi bolmadyk.

**OŇALGASYZLYK** [oňolğosuzluk], *at.* Oňalgasy ýokluk, oňalgasy bolmazlyk.

**OŇALMA** [oňolmo], *iş ady.* Oňalmak ýagdaýy.

**OŇALMAK** [oňolmok], *işl.* **1**. Düzgüne girmek, gowulaşmak, oňatlaşmak. *Orsgeldiniň durmuşy, ýagdaýy oňalyp başlady* (A. Gowşudow). **2**. Sagalmak, gurplanmak, daýanmak, aýňalmak. *Ýeri sazdyr, hassa bolan sagalar, Arryk müflis, garyp bolan oňalar* (Magtymguly). **4**. Biriniň gylyk-häsiýeti düzelmek, gowulanmak.

**OŇALMAKLYK** [oňolmokluk], *iş ady.* Oňalmak ýagdaýy.

**OŇALMAZLYK** [oňolmozluk], *işl.* Biriniň gylyk-häsiýeti düzelmezlik, gowulanmazlyk. *Senem ulalyp oňalmadyklaryň biri bolupsyň-da!?*

**OŇALTMAK** [oňoltmok], *işl.* Oňalar ýaly etmek.

**OŇALYŞ** [oňoluş], *iş ady.* Oňalmak ýagdaýy.

**OŇALYŞMAK** [oňoluşmok], *işl.* Dura-bara oňalmak (*oňalmak* sözüniň ähli manylary boýunça).

**OŇA-MUŇA** [oňo-muňo], *çal.* O ýere, bu ýere, eýlesine-beýlesine. *Dükana girenler oňa-muňa seredişip, esli durdular.*

**OŇARMA** [oňormo], *iş ady.* Oňarmak ýagdaýy.

**OŇARMAK** [oňormok], *işl.* **1**. Bir işi başarmak, ýerine ýetirip bilmek, hötdesinden gelmek. **2**. Bir zady düzetmek, bejermek. *Soňundan bolsa men oňaraýyn, soňunyň çigit ýaly pikirini çekme* (H. Derýaýew). **3**. *gepl.d.* Ýerinde diýmek, wagtynda aýtmak; duzlamak. *– Sen, bolsa-da, ony oňardyň! – Pähey, sen-ä oňardyň-ow! – diýip, keýp edip güldi.*

**OŇARMAKLYK** [oňormokluk], *iş ady.* Oňarmak ýagdaýy.

**OŇARMAZLYK** [oňormozluk], *at.* Bir zady oňaryp, başaryp, ýerine ýetirip bilmezlik.

**OŇAR-OŇMAZ** [oňor-oňmoz], *syp.* Gün-güzeranyny ýetde-gütdelikde geçirýän, bir garny aç, bir garny dok. *Oňar-oňmaz güzeran.*

**OŇARTDYRMAK** [oňortdurmok], *işl.* Oňarmak işini başga birine etdirtmek.

**OŇARTMAK** [oňortmok], *işl.* Oňarmak işini birine etdirmek. *Kätmeni ussa äkidip oňartmak gerek.*

**OŇARYLMAK** [oňorulmok], *işl., gepl.d.* Bir zat tertibe salynmak, bejerilmek, düzedilmek. *Okaberseňiz, işläberseňiz özi oňarylar gider* (H. Ysmaýylow).

**OŇARYŞ** [oňoruş], *iş ady.* Oňarmak ýagdaýy.

**OŇARYŞDYRMAK** [oňoruşdurmok], *işl.* Birnäçe zady bir ýanyndan oňaryp çykmak.

**OŇARYŞMAK** [oňoruşmok], *işl.* Oňarmaga, bejermäge, düzetmäge kömekleşmek.

**OŇAT** [oňot], *syp.* Hil taýdan gowy, ýagşy, erbet däl.

**OŇATÇYLYK** [oňotçuluk], *at, ser.* **Oňatlyk**.

**OŇATLANDYRMAK** [oňotlonnurmok], *işl.* Gowulandyrmak, öňküsinden gowy etmek. *Işi mundan hem has oňatlandyrmak üçin diňe bir ýol bar* (N. Pomma).

**OŇATLANMAK** [oňotlonmok], *işl.* Oňat bolmak, gowulanmak, düzelmek. *Öýüň içi oňatlanan, ýagtylan ýaly boldy.*

**OŇATLAŞMAK** [oňotloşmok], *işl.* Gowy bolup başlamak, gowulaşmak, ýagşylaşmak.

**OŇATLAŞYBERMEK** [oňotloşuvermek], *işl.* Gowulaşyp başlamak, ýagşylaşybermek.

**OŇATLYK** [oňotluk], *at.* Gowulyk, ýagşylyk, erbet dällik. *Her zadam bolsa, bolan gep-gürrüňi oňatlyga ýormaga çalyşdy* ("Edebiýat we sungat").

**OŇAÝ** [oňoý], *syp.* **1**. Bir işi etmegiň täri, ugry, ýoly, usuly, çeme. *Her bir zadyň oňaýyny bilmek.* **2**. Jaýlaşykly, ynjalykly. *Oňaýym ýok.*

**OŇAÝLY** [oňoýly], *syp.* **1**. Amatly, çemeli, gowy, oňat. **2**. *gepl.d.* Jaýlaşykly, ynjalykly, ornaşykly. *Kerimiň ýerleşen ýeri oňaýlydy* (Ý. Mämmediýew).

**OŇAÝLYLYK** [oňoýluluk], *at.* **1**. Amatlylyk, çemelilik, gowulyk. **2**. *gepl.d.* Jaýlylyk, jaýlaşyklylyk, ynjalyklylyk, ornaşyklylyk.

**OŇAÝSYZ** [oňoýsuz], *syp.* **1**. Amatsyz, çemesiz, ýaramaz. *Oňaýsyz ýagdaýa düşenini bildirmezlik üçin, soragynyň yzyny ýetirdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Jaýlaşykly däl, ynjalyksyz, ornaşykly däl. *Haly düşek üstüne adatlanmadyk oňaýsyz aýaklary sandyrady* (B. Kerbabaýew).

**OŇAÝSYZLYK** [oňoýsuzluk], *at.* Oňaýsyz bolmaklyk, onaýly dällik, onaýy ýokluk. *Şu pursatyň özünde bir hili oňaýsyzlyk peýda bolýar* (B. Seýtäkow).*Ol bir hili oňaýsyzlyga düşen ýaly boldy.*

**OŇDURMAK** [oňdurmok], *işl.* Oňmaga mejbur etmek, oňşuk üçin zerur zatlary çäklendirmek. *Gyşda mallary nädip ýataksyz oňdurjak?*

**OŇLAMA** [oňlomo], *iş ady.* Oňlamak ýagdaýy.

**OŇLAMAK** [oňlomok], *işl.* Haýsydyr bir işi, başlangyjy makul bilmek, dogry hasaplamak, makullamak. *Onuň sözüni hemmämiz oňladyk. Il oňlasa, atyňy soý* (Nakyl).

**OŇLAMAKLYK** [oňlomokluk], *iş ady.* Oňlamak ýagdaýy.

**OŇLAMAZLYK** [oňlomozluk], *at.* Makul bilmezlik, makullamazlyk. *Kakasy oglunyň işden çykjak diýen sözüni oňlamandyr.*

**OŇLANMAK** [oňlonmok], *işl.* Makul görülmek, makul tapylmak. *Metbugatda oňlanyşy ýaly, bu eser maňa-da ýarady.*

**OŇLAÝYŞ** [oňloýuş], *iş ady.* Oňlamak ýagdaýy.

**OŇLUK,** *at.* Gowy zatlar, ýagşy zatlar, oňlulyk, eýgilik. *Oňluk bolsun, Aman jan!* (R. Seýidow). *Men-menlik hiç haçan hem oňluga eltmeýär* (N. Jumaýew).

**OŇLULYK** [oňluluk], *at, ser.* **Oňluk**. *Bu ýerde bulara hiç hili oňlulyk garaşmaýardy* (B. Seýtäkow).

**OŇLURAK** [oňlura:k], *syp.* Biraz, az-kem oňly, birneme gowurak.

**OŇLY**,*syp.* **1**. Gowy, oňat, göwnejaý, kadaly. *Gijelikde gözüm oňly görenok.* **2**. Tertipli, edepli. *Ejesi kiçi ogluna: "Oňly bol!" diýip gygyrdy.*

**OŇMA** [oňmo], *iş ady.* Oňmak ýagdaýy. *Naharyň duzuny dadyp oňmaňa birhiliräk ýa düýbünden işdäň ýokmudy?*

**OŇMAK** [oňmok], *işl.* **1**. Bolanyna razy bolup, başga zat islemezlik, islegiňi çäklendirmek. *Gazsyz, toksuz oňup boljagyna göz ýetirip bilemok. Iki çuwal bugdaý berseler oňýaňmy?* **2**. Oň bolmak, ugruna bolmak, şowly bolmak, şowuna düşmek. *Wüşi jan, alan gelniň gutly bolsun, aýagy düşümli bolsun, bu örän oňan iş!* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Sözüňi bes etmek, gutarmak, bir zatlar aýdyp çäklenmek. *Merdanyň kakasy: – Hawa şeýle! – diýdi-de oňaýdy.*

**OŇMAKLYK** [oňmokluk], *iş ady.* Oňmak ýagdaýy.

**OŇMAZLYK** [oňmozluk], *işl.* **1**. Özüňde bolanyndan başga ýene islemek. *Kakasynyň ogluna gahary gelip: "Berenim bilen oňmasaň – doňaý" diýdi.* **2**. Işiň ýol almazlyk, ugruna bolmazlyk. *Işimiz-ä oňmady, enesi.*

**OŇŇUT**, *at.* Maddy taýdan oňşuk, oňalga.

**OŇŇUTLYK** [oňňutluk], *ser.* **Oňalgalyk.**

**OŇON**, *at.* Geçmişde adamlaryň garyndaşlyk gatnaşygy bolan toparynyň arasynda sežde edilen

haýwan, ösümlik, bir zat ýa-da tebigat hadysasy, şonuň ýaly-da, şol toparyň nyşany.

**OŇRUBERMEK** [oňruvermek], *işl.* Oňrup başlamak, oňurmak hereketini dowam etdirmek.

**OŇRULMAK** [oňrulmok], *işl.* Gaňrylyp bogundan ýazdyrylmak. *Türkmen bolsa, kesekä boýun egenden, boýnunyň oňrulanyny ybaly görýän halk!* (B. Kerbabaýew).

**OŇRUŞ**,*iş ady.* Oňurmak ýagdaýy.

**OŇŞUK**,*at.* **1**. *ser.* **Oňalga**. *Tüweleme, indi ýigidiň oňşugy erbet däl* (B. Seýtäkow). **2**. Agzybirlik, ylalaşyk, arkalaşyklylyk. *Oňşugy bolmaz goňşy bilen-de, Senem özi bilen dawagär eýlär* (Baýly şahyr). *Gurt öz içinden: "Bu adam bir oňşuk ederçe adam barmyka?" diýip pikir etdi* (A. Gowşudow).

**OŇŞUKLY**,*syp.* Agzybirligi saklaýan, ylalaşykly, agzybir. *Bu gün halkymyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenen mizemez hukuklaryna daýanyp, Magtymguly Pyragynyň agzybir, parahat, oňşukly ýaşamak baradaky ündewlerine ygrarlydygyny subut etdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**OŇŞUKLYLYK** [oňşukluluk], *at.,* Oňşukly bolmaklyk, agzybirlik, ylalaşyklylyk, arkalaşyklylyk. *Maşgala arasynda oňşuklylyk bolsa gowy.*

**OŇŞUKSYZ** [oňşuksuz], *syp.* Oňşugy ýok, oňşukly däl. *Kim bilýär, belki hem meniň özüm oňşuksyz murdardyryn* (B. Kerbabaýew).

**OŇŞUKSYZLYK** [oňşuksuzluk], *at.* Oňşugy ýokluk, oňşukly dällik.

**OŇUBERMEK** [oňuvermek], *işl.* Bolşuna görä mydar edibermek, oňşuk edibermek.

**OŇULMAK** [oňulmok], *işl.* Özüňde bar zat bilen mydar edilmek, oňşuk edilmek. *Öň oňlan bolnup ýörlüşine haýran galýarsyň* ("Edebiýat we sungat").

**OŇURGA** [oňurğo], *at.* Adamlarda, käbir haýwanlarda: göwräni kelle bilen birikdirýän içi ýilikli süňk. *Oňurga süňkleri.*

**OŇURGAGÖL** [oňurğoğö:l], *at.* Halylaryň gölüne salynýan oňurga görnüşli nagyş.

**OŇURGALYLAR** [oňurğolulor], *at.* Köpsanly oňurgaly haýwanlar toparynyň ady.

**OŇURMA** [oňurmo], *iş ady.* Oňurmak ýagdaýy.

**OŇURMAK** [oňurmok], *işl.* Gaňryp bognundan ýazdyrmak, gaňryp döwmek, omurmak.

**OŇURMAKLYK** [oňurmokluk], *iş ady.* Oňurmak ýagdaýy.

**OŇURTMAK** [oňurtmok], *işl.* Oňurmak işi başartmak, oňurmaga hötde gelmek. *Eti pudarlap oturan adam oňurga özüne oňurdar öýtse-de, ony eli bilen ýazdyryp bilmedi.*

**OŇUŞ**, *iş ady.* Oňmak ýagdaýy. *Az iýip oňşuna haýran galdym.*

**OŇUŞDYRMAK** [oňuşdurmok], *işl* Biri-biri bilen oňşar ýaly etmek, ylalaşdyrmak.

**OŇUŞMAK** [oňuşmok], *işl* **1**. Biri-biri bilen oňşuk etmek, oňşukly bolmak, arkalaşykly, agzybir bolmak. *Şeýle gylykly adam bilen oňuşmak elbetde, aňsat düşmez* (B. Kerbabaýew). **2**. Oňňut etmek, mydar etmek, razylaşmak, ylalaşmak, kanagatlanmak. *Sowuk bilen hem oňuşmak boljakdy weli, ony ýatyrmadyk zat pikirdi* (B. Seýtäkow).

**OŇUŞMAZLYK** [oňuşmozluk], *at.* Biri bilen oňşukly bolmazlyk, arkalaşykly, agzybir bolmazlyk.

**OŇYN** [oňuýn], *syp.* Ýerlikli, şowly, peýdaly, oňat, gowy.

**OŇYNLYGYNA** [oňuýnluğno], *hal, ser.* **Oňyn**.

**OŇYNLYK** [oňuýnluk], *at.* Oňyn zat, bir zadyň oňyn netijesi.

**OPERA** [o:pera], *at, sazç.* **1.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylan sazly drama eseri. **2.** Opera degişli drama eser. **3.** Drama eseriniň goýulýan, sahnalaşdyrylýan ýeri, edarasy. *Ozaldan garaşylyşy ýaly, operanyň görkezilişi şowly geçdi* ("Edebiýat we sungat").

**OPERASIÝA** [opera:siýa], *at.* **1**. Käbir kesellerde, doga ýetmezçiliklerde we şikes ýeten halatynda dokumalara we beden agzalaryna hirurgiýa ýoly bilen täsir etmek arkaly ýerine ýetirilýän gaýragoýulmasyz bejergisi, kömegi. **2**. *ser.* **Amal**.

◊ **Operasiýa etmek** dokumalara we beden agzalaryna hirurgiýa ýoly bilen täsir etmek arkaly bejergi işini amala aşyrmak.

**OPERATOR** [opera:tor], *at.* **1**. Haýsydyr bir enjamyň işlemegini ýola goýýan we oňa hyzmat edýän hünärmen. **2**. Kinofilmi surata düşürýän hünärmen.

**OPERETTA** [opere:tta], *at, sazç.* Kiçi sazly drama eseri (tans, aýdym we gepleşik bilen geçýän gülki häsiýetli sazly drama eseri).

**OPMA** [opmo], *iş ady.* Opmak ýagdaýy.

**OPMAK** [opmok], *işl.* Yzgar çekmegi sebäpli ýykylmak, aşak çökmek, hopmak. *Haýatyň aşagy opupdyr.*

**OPMAKLYK** [opmokluk], *iş ady.* Opmak ýagdaýy.

**OPTIKA** [o:ptika], *at.* Fizikanyň aýry-aýry ýagdaýlarda ýagtylygyň ýaýraýşyny we onuň başga jisimler bilen özara täsirini öwrenýän bölümi. **2.** Optiki enjamlaryň we sistemalaryň umumy ady. *Optika önümçiligi.*

**OPTIKI** [o:ptiki], *syp.* Optika degişli. *Optiki enjamlar.*

**OPUBERMEK** [opuvermek], *işl.* Opup ýumrulybermek, opurylyp çökübermek.

**OPURMA** [opurmo], *iş ady.* Opurmak ýagdaýy.

**OPURMAK** [opurmok], *işl.* **1**. Goparyp aýyrmak, oýup goparmak, ýykmak. *Ýagan güýçli ýagyş deryýanyň hanasynyň gyralaryny opurypdyr.* **2.** *göç.m.* Ýok etmek, ýüz öwürmek. *Gadymy zyýanly pikirleri opuryp taşlajak, täze pikirler döretjek, täze düşünjeler öwretjek, täze göreldeler görkezjek biz dälmidiris* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Haýsydyr bir ýerde ýykgynçylyk edip, galmaz ýaly zyýan ýetirmek, opurylyşyga alyp barýan hereketleri etmek.

**OPURMAKLYK** [opurmokluk], *iş ady.* Opurmak ýagdaýy.

**OPURTMAK** [opurtmok], *işl.* Opurylmak derejesine ýetmegine ýol bermek, opurylmagynyň öňüni almazlyk.

**OPURYLMAK** [opurulmok], *işl.* Gopup aýrylmak, oýulyp çykmak. *Dag opurylyp, onuň äpet daşlary, Biziň barýan ýolumyzy bekläp dur* (M. Seýidow).

**OPURYLYŞYK** [opurluşuk], *at.* Işde bolýan bulaşyklyk, zyýankeşlik, ýykgynçylyk.

**OPURYŞ** [opuruş], *iş ady.* Opurmak ýagdaýy.

**OPURYŞMAK** [opuruşmok], *işl.* **1**. Opurmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde opurmak.

**OPUŞ**, *iş ady.* Opmak ýagdaýy.

**OR** [o:r], *gepl.d.* Hemişelik ekilýän ekin ýeriň arasyndaky beýleki ýerlere garanda pes, çöket ýer, çöketlik.

**ORA I: ora bilen** aşaklyk bilen, osmakladyp, assyrynlyk, gizlinlik bilen, aýlawly, göçme manyly söz bilen. *Nejep jan öz-özüne: – Gel, men ora bilen şol gelniň aslyny soraýyn – diýdi* ("Nejep oglan").

**ORA II**, *at,gepl.d., ser.* **Ury**.

**ORABERMEK** [ora:vermek], *işl.* Ýüpdür simi we ş.m. bir zadyň daşyna aýlabermek, sarabermek, dolabermek.

**ORAÇA** [oroço], *at.* Tärimsiz, diňe uklary ýere dikilip gurnalan öý. *Oraça bor, öýde ýok bolsa tärim, Ahaldadyr garyndaşym, hossarym* (Baýly şahyr).

**ORAÇALY** [oroçoly], *at.* Darajyk oraçada ýaşaýan adam, oraçanyň eýesi. *Oraçalyň töri özüniňki* (Atalar sözi)

**ORAGATDY** [oroğatdy], *at.* Utulanyň utana öz ýygan otuny bermek şerti bilen orak atylyp oýnalýan çagalar oýny.

**ORAGRENDE** [orağirenne], *at.* Agajyň gabygyny gyryp aýyrmak, arassalamak üçin ulanylýan iki tarapy saply, ýaý şekilli gural, senet.

**ORAK** [orok], *at.* **1**. Galla ekinlerini ormak ýa-da ot ýygmak üçin ulanylýan agaç saply, egri demir tygy dişli oba hojalyk guraly. – *Bolýar uýam – diýip, Çoýan derrew oraklary aldy* (R. Seýidow). **2**. Galla hasyly ýygnalýan möwsüm, ýygym döwri. *Türkmen gallaçylary galla oragynda geçen ýyldakysyndan iki hepdä golaý öňde barýarlar* ("Watan"). **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Orak hasaby** orak düşen we düşmeli wagtyndan alnyp barylýan aý-gün hasaby. *Orak hasaby boýunça gyşyň togsany öten agşam doldy* (A. Gowşudow). **Orak salmak** sähetli gün oraga başlamak. *Işiň düşümliligi, şowlulygy üçin ýaşululara orak başladylýar.* **Aňňal orak** ullakan egri agyzly orak. **Bugdaý orak** bugdaý orulýan ullakan orak. **Dil bilen orak ormak** dilde işi aňsat etmek, emgenmezlik.

**ORAKÇY** [orokçy], *at.* Orak orýan adam, orak ormak bilen meşgullanýan adam. *Ata, aga mährin görjek wagtymyz, Dagda orakçydyk, çöllerde çoluk* (K. Gurbannepesow).

**ORAKÇYLYK** [orokçuluk], *at.* Orakçynyň käri, ýagdaýy, orakçy bolup işlemeklik. *Öňler bir obadan ikinji bir oba orakçylyga gidilerdi.*

**ORAKDIŞ** [orokdi:ş], *at.* Hala we beýleki el işlerine diş-diş görnüşinde keseräge-de salynýan gyýçak nagyş.

**ORAL** [orol], *syp.* Ýaşy birçene baran, ortadan agan (aýal maşgala hakynda). *Meň ýaly oral heleýiň gülýaka nämesine derkar* (Ý. Mämmediýew).

**ORALAMA** [orolomo], *iş ady.* Oralamak ýagdaýy.

**ORALAMAK** [orolomok], *işl.* Gaýta-gaýta oramak (*ser.* **Oramak I**). *Mämmetweli ýuka gabygyny galdyryp, sakgaljygyny barmagyna oralady* (B. Kerbabaýew).

**ORALAMAKLYK** [orolomokluk], *iş ady.* Oralamak ýagdaýy.

**ORALAÝYŞ** [oroloýuş], *iş ady.* Oralamak ýagdaýy.

**ORALGY** [orolğy], *syp.* Bir zadyň daşyna saralan, dolanan.

**ORALMAK** [orolmok], *işl.* Bir zadyň daşyna saralmak, dolanmak. *Biline gowanyň bagy oralan ýogyn pürs durdugyça batlanyp aýlanýardy* (A. Gowşudow).

**ORAMA** [oromo], *iş ady.* Oramak ýagdaýy.

**ORAMAK** [oromok] **I**, *işl.* **1**. Ýüpi, simi we ş.m. bir zadyň daşyna aýlamak, saramak. *Ol şol hemişeki ak donuny geýnip, biline hem uzyn ak guşagyny birnäçe sapar orapdyr* (A. Gowşudow). **2**. Bir zadyň daşyny gabamak, daşyna gabaw etmek, daşyna aýlaw etmek, egelenmek.

**ORAMAK II**, *at,ýerli g.* Gyňaç, başbogy. *Birlän-ikilän ak oramakly aýallar käte adamlaryň arasynda göze ilip gidýärdiler* (B. Seýtäkow).

**ORAMAKLYK** [oromokluk], *iş ady.* Oramak ýagdaýy.

**ORAMÇY** [oromçy], *at, kön.s.*Kerep örýän, köp aýakly, çakmaýan möjejik, düşdüş, leňkebut. *Oramçy dek hemişe tor eder sen* (Sopy Allaýar).

**ORANMAK** [oronmok], *işl.* **1**. Köplenç, gyňajy kelläň daşyndan aýlap saramak. *Keten köýnek egniňde, başa öýme oranyp, Saz eýleýir karkarаň, seýle çyksaň bezenip* (Mollanepes). **2**. Çekmek üçin kagyzyň içine temmäki salyp dolamak. *Paşy ýene çilim oranmaga durdy* (B. Hudaýnazarow).

**ORAŞAN** [oroşa:n], *syp., at.* Aç-açan, aýdyň, açyk, anyk; aýdyň görnüş, boljak zat, waka (röwşen sözüniň gadymy şekili, görnüşi). *Öten agşamky gören düýşüm oraşan geldi* (H. Derýaýew). *Garry ene oraşanyny gören eken, ertesi agtygy uruşdan sag-aman gaýdyp gelýär.*

**ORAŞDYRMAK** [oroşdurmok], *işl.* Orap çykmak, köp oramak, dolaşdyrmak. *Kakasy-da aýagyna oraşdyran ýüplerini çözleşdirdi* (A. Durdyýew).

**ORAŞMA** [oroşmo], *iş ady.* Oraşmak ýagdaýy.

**ORAŞMAK** [oroşmok], *işl.* **1**. *gepl.d.*Çolaşmak. **2**. Bir zady oramaga kömek etmek. **3**. Birnäçe bolup oramak.

**ORAŞMAKLYK** [oroşmokluk], *iş ady.* Oraşmak ýagdaýy.

**ORATDYRMAK** [orotdurmok], *işl.* **1**. Oramak işini başa bardyrmak. *Bu sim bize agajyň daşyna oratdyrsa -da biri, ozi-ha gaty ýogyn eken.* **2**. Oramaga mejbur etmek, oramak işini başga birine etdirmek.

**ORATMAK** [orotmok], *işl.* Birine bir zady oramaga ýol bermek; oramaga mejbur etmek. *Gaýyny gelniniň başyna gyňaç oradasy ýok, başyna ýaglyk atynsa-da bolar diýýär.*

**ORAÝANY** [ora:ýa:ny], *syp.* Goňras gyzyl reňk. *Çylgym-çylgym ýylgynlar oraýany gyzyl güller bilen bezenip otyrdy* (B. Kerbabaýew). *Şarkyň gyzy oraýany ýaglygy, Sypap-sypap maňlaýyna daňypdyr* (M. Seýidow).

**ORAZA** [ora:za], *at.* **1**. Musulman ýyl hasaby boýunça ýylyň dokuzynjy aýynyň ady, remezan. **2**. Agyz beklemek däbi.

◊ **Oraza baýramy** musulmanlaryň metjitlere ýa-da öwlüýälere ýygnanyp baş pitre, sadaka bermek, köpçülik bolup namaz okamak bilen geçirilýän, orazanyň 30-njy güni agşam başlanýan baýramy. **Oraza tutmak** yslam dininde: oraza aýynda gündizine hiç zat iýip-içmän agyz beklemek.

**ORDA** [o:rdo], *at.* **1**. *taryh.* Orta asyrlar döwründe käbir döwletleriň ady, şonuň ýaly-da olaryň hākiminiň mesgeni, ýerleşýän ýeri. **2**. Ýyrtyjy haýwanlaryň sürüsi. *Möjek ordasy.* **3**. *göç.m.* Duşman leşgerleri. *Çingiziň ordasy gözel şäheri haraba halyna aýlandyrypdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ordasy bilen barmak (gelmek)** toýa-tomga üýşüp barmak, köp bolup barmak (oňlanmaýan äheň bilen aýdylýar). *Olar-a toýa ordasy bilen geläýendir.*

**ORDEN** [o:rden], *at.* Zähmetde, gullukda we ş.m. görkezilen ajaýyp hyzmat üçin sylag berilýän ýörite tapawutlandyryş nyşany.

**ORDURMAK** [ordurmok], *işl.* Başga birine ormaga bermek, ormak işini etdirmek. *Bugdaý ordurmak. Ýorunja ordurmak.*

**ORFOEPIÝA** [orfoe:piýa], *at, dil.b.* Edebi dilde dürs aýdylyşy kesgitleýän kadalar ulgamy, dürs aýdylyş.

**ORFOGRAFIÝA** [orfogyra:fyýa], *at, dil.b.* Her bir diliň sözleriniň umumy kabul edilen ýazylyş kadalar ulgamy, dürs ýazuw.

**ORGAN** [o:rğon], at. Jemgyýetçilik durmuşynyň aýry-aýry ugurlarynda kesgitli wezipeleri ýerine ýetirýän gurama, edara. *Türkmenistanda kanun çykaryjy organlara yzygiderli geçirilýän saýlawlar demokratiýanyň berjaý edilýändigine şübhe döretmeýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**ORKESTR** [arke:stir], *at.* Dürli saz gurallaryndan düzülen sazandalar topary.

**ORLABERMEK** [orla:vermek], *işl.* Gaty ses bilen aglabermek.

**ORLAMA**[orlomo], *iş ady.* Orlamak ýagdaýy.

**ORLAMAK** [orlomok], *işl.* Gaty ses bilen aglamak.

**ORLAMAKLYK** [orlomokluk], *iş ady.* Orlamak ýagdaýy.

**ORLAŞMAK** [orloşmok], *işl.* **1**. Birden köp bolup, köpçülik bolup orlamak, bile orlamak. **2**. *göç.m.* Uly goh turuzmak, zenzele etmek.

**ORLAŞYK** [orloşuk], *at.* Köpçülikleýin agy (ýas ýerinde).

**ORLAÝYŞ** [orloýuş], *iş ady.* Orlamak ýagdaýy.

**ORMA** [ormo], *iş ady.* Ormak ýagdaýy.

**ORMAÇ**, *at,gepl.d.* Süýt, ýag salynýan iki ýa-da dört gulply küýze; golça. *Aýhanym bir görseň süýt sagylýan ormajy elinden gaçyrýar, bir görseň suw kädisini gaçyrýar* (B. Seýtäkow).

**ORMA** [ormo], *iş ady.* Ormak ýagdaýy. *Oglankak orak ormany hem gördük, ýandak ýatyrmany hem.*

**ORMAK** [ormok], *işl.* Hasylyny almak üçin bugdaý, arpa ýaly ak ekinleri orak we ş.m. bilen ýygmak. *Her kim öz ekenini orar* (Nakyl). *Ýumruksyz ýüzer sen, ýüpsüz asar sen, Oraksyz orar sen, tygsyz keser sen* (Magtymguly).

**ORMAKLYK** [ormokluk], *iş ady.* Ormak ýagdaýy.

**ORNABERMEK** [orna:vermek], *işl.* Bir ýerde orun tutubermek, ornaşybermek.

**ORNADYLMAK** [ornodulmok], *işl., ser.* **Ornaşdyrylmak**.

**ORNAMA** [ornomo], *iş ady.* Ornamak ýagdaýy.

**ORNAMAK** [ornomok], *işl.* **1**. Bir ýerde ýer almak, orun almak, ýerleşmek. **2**. Bir ýerde berkemek, kök urup gitmek. **3**. *göç.m.* Täsir etmek, degmek, ýetmek; siňmek. *Ak köýnegine gök syrkynyň reňki ornapdyr* (B. Annageldiýew). *Ajaýyp manyly ajaýyp sözler, Sühhüňe şeýle bir ornaýar başdan* (K. Gurbannepesow).

**ORNAMAKLYK** [ornomokluk], *iş ady.* Ornamak ýagdaýy.

**ORNAŞDYRMAK** [ornoşdurmok], *işl.* **1**. Bir ýerde orun bermek, orun tutdurmak, ýerleşdirmek. **2**. *Demokratiýa barada aýdylanda bolsa, bu näzik substansiýany taýýar daşary ýurt modellerini ulanyp ornaşdyryp bolmaýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). **3**. Aňyna ýetirmek, aňyna siňdirmek, girizmek, düşündirmek. *Elbetde, beýle şygyrlary halkyň beýnisine ornaşdyrmak kyn meselelerdi* (H. Derýaýew).

**ORNAŞDYRYLMAK** [ornoşdurulmok], *işl.* Iş ýüzüne geçirilmek, ulanylyşa girizilmek. *Täze teklipleriň ornaşdyrylmagy netijesinde önüm öndürilişi artýar.*

**ORNAŞMAK** [ornoşmok], *işl.* **1**. Bir ýerde kem-kemden ýer almak, ýerleşmek, mesgen tutmak, orun baglamak. *Olar sag-aman gelip, öňki ýurtlarynda ornaşdylar* (A. Gowşudow). **2**. Iş ýüzüne geçmek, ýaýramak, girmek. *Kuwwatly tehnika önümçilige gitdigiçe ornaşýar.* **3**. Bir ýerde kök urmak, orun tutmak, berkeşip galmak. *Ýöne ýüregimiň gizlin ýerinde ornaşan syrymy bu gezek hem açyp bilmändim* (R. Gelenow). **4**. Reňki çykmak, siňmek. *Köýnegime gyrmyzdonyň reňki ornapdyr*. **5**. *göç.m.*

Aňyňa ýetmek, aňyňa siňmek, ýerleşmek, girmek. *Bu pikir onuň beýnisine pugta ornaşdy* (B. Seýtäkow).

**ORNAŞYK** [ornoşuk], *at.* Jaýlaşykly ýerleşiş, oňaýly, amatly ýerleşiş.

**ORNAŞYKLY** [ornoşukly], *hal.* Jaýlaşykly, ynjalykly, oňaýly, ýerleşikli. *Ýigit dolanyp öýe girdi-de, stoluň başynda ornaşykly oturdy* (B. Soltannyýazow).

**ORNAŞYKLYLYK** [ornoşukluluk], *at.* Jaýlaşykly, ornaşykly ýerleşiş ýagdaýy.

**ORNATMAK** [ornotmok], *işl.* Ornar ýaly etmek.

**ORNUKLY,** *syp., gepl.d.* Öz ornuny bilýän, ýerlikli, tutanýerli. *Ornukly adam.*

**ORRAMSY** [orromsy], *at,göd. s.* Ahlak taýdan bozulan, azgyn, haramy adam, pes gylykly adam. *Ogry hem özüni osar – orramsy hem* (Nakyl).

**ORRAMSYLYK** [orromsuluk], *at.* Ahlak taýdan bozuklyk, azgynlyk, haramylyk, pes gylyklylyk.

◊ **Orruk**: **orruk orta arasy** ortasy, merkezi. *Obanyň orruk orta arasynda iki gat ak jaý bardyr.*

**ORTA** [orto], *at.* **1**. Bir zadyň merkezi, bir zady deň ikä bölýän aralyk ýer. *Obany iki bölüp, ortasyndan ýap geçýärdi.* **2**. Uzyn bilen gysganyň aralygy. *Orta boýly ýigit.* **3**. Bir zadyň başlanýan ýeri bilen ahyrynyň aralygy, adamyň ömrüniň ýarysy. *Orta ýolda atyň ölmesin, orta ýaşda – aýalyň* (Atalar sözi). **4**. Bir zadyň hiliniň kanagatlanarlyk derejesi.**5**. Köpçüligiň, märekäniň we ş.m. içi, aralyk. *Gün batyp, garaňky düşenden soň, bagşy orta geldi* (B. Seýtäkow).

◊ **Orta almak 1)** töweregine aýlanmak, daşyna üýşmek. **2**) ýerli-ýerden käýemek, daşyna geçmek, tankyt etmek. **Orta asyr** gadymyýetiň taryhynda soňky, ýagny V asyryň ahyryndan tä XVII asyryň ortalaryna çenli dowam eden bütindünýä taryhyny öz içine alýan döwür. **Orta atmak 1)** bir meseläni maslahata goýmak, bir meseläni köpçüligiň garamagyna,geňeşine goýmak. *Kim bilýär, belki, ol üçünji bir teklibi orta atsa-da atar!* (N. Saryhanow). **2**) baryňy köpçülige bagyşlamak. *Seniň üçin öz barymyzy orta atýarys* (N. Saryhanow). **Orta barmak ýaly** birkemsiz, köstsüz, örän oňat, syratly, owadan. **Orta bilim** orta mekdebi, ýörite orta okuw mekdebini gutaryp alynýan bilim. **Orta çykmak 1)** zähmetde özüňi görkezmek, işde tapawutlanmak, saýlanmak. **2**) harajadyňy jemläp, toý we ş.m. etmek, köpçüligi ýygnap, öňünde durmany başarmak. **3**) göreşmek üçin göreş meýdanyna çykmak. **Orta goýmak** *ser.* **Orta atmak. Orta hasap bilen** takmynan, ortaça. *Orta hasap bilen her zähmet güne bäş manat pul düşdi.* **Orta mekdep** umumy bilim berýän onýyllyk mekdep. **Orta ýolda** orta ýaşa baraňda.

**ORTABAGYŞ** [ortovağyş], *at.* Gara öýüň tärimleriniň öýüň töründe birleşdirilip daňlan ýeri.

**ORTAÇA** [ortoço], *hal.* **1**. Orta hilli, orta derejede, orta ýagdaýda, aralyk. **2**. Orta hasap bilen, takmynan.

**ORTAK** [ortok], *syp.* **1**. Hemmelere degişli, ortalyk, aralyk. *Ortak zatlar.* **2**. Hemmeler üçin düşnükli. *Ortak dil.*

◊ **Ortak işlik** *dil b.* edilýän gymyldy-hereketiň haýsy zamandadygyny bildirip, baglanýan sözlerini sypatlandyryp gelýän işlik şekili.

**ORTAKLAŞMA** [ortokloşmo], *iş ady.* Ortaklaşmak ýagdaýy.

**ORTAKLAŞMAK** [ortokloşmok], *işl.* Bir zady köpçülik bolup, birleşip ýerine ýetirmek, orta goýup amala aşyrmak.

**ORTAKLAŞYŞ** [ortokloşuş], *iş ady.* Ortaklaşmak ýagdaýy.

**ORTAKY** [ortoky], *syp.* Ortada, arada duran, oturan, ýerleşen, ortadaky. *Olaryň ortakysy beýleki ikisinden has belentdi* (B. Seýtäkow). *Tomsuň ortaky aýy.*

**ORTALABERMEK** [ortola:vermek], *işl.* Bir zadyň ortasy golaýlabermek, iş ýarpylabermek, orta bolubermek.

**ORTALAMA** [ortolomo], *iş ady.* Ortalamak ýagdaýy.

**ORTALAMAK** [ortolomok], *işl.* Bir işiň, ýoluň, wagtyň ýarysyny beýlä atmak, geçmek, ýarysyna ýetmek, ortasyna barmak, ýarpylamak. *Remezan aga ýoly ortalandan soň aýak çekdi* (B. Seýtäkow).

**ORTALAMAKLYK** [ortolomokluk], *iş ady.* Ortalamak ýagdaýy.

**ORTALANMAK** [ortolonmok], *işl.* Bir zadyň, işiň we ş.m. ortasyna ýetilmek, barylmak.

**ORTALATMAK** [ortolotmok], *işl.* Bir zadyň, işiň we ş.m. ortasyna ýetmäge ýol bermek, mümkinçilik döretmek, ortasyna ýetirmek.

**ORTALAÝYŞ** [ortoloýuş], *iş ady.* Ortalamak ýagdaýy.

**ORTALYK** [ortoluk], *at.* **1**. Iki aralyk, iki tarapyň arasy, aralyk. **2**. *ser.* **Ortak 1**.

**ORTA-MIÝAN** [orto-miýa:n], *ser.* **Orta-miýana**.*Orta-miýan, agaç et adam.*

**ORTA-MIÝANA** [orto-miýa:na], *syp.* Orta uzynlykdaky, orta boýly. *Uzyn-gysganyň arasy, Orta-miýana, söwdügim* (Kemine).

**ORTANJY** [ortonjy], *syp.* Ýaş taýyndan ortaky, araky (ogul, gyz hakynda). *Ortanjy ogly mugallym, iň kiçi ogly bolsa hasapçy bolup işleýär.*

**ORTARA** [orta:ra], *at.* Bir zadyň, meýdanyň, giňişligiň edil ortasy, merkezi. *Howlynyň ortarasynda Baba esgeriň ata-babasyndan galan garaja öý otyrdy* (A. Gowşudow). *Doýduk ortara süýşdi-de, boýnuny öňe uzatdy* (Ş. Geldiýewa).

**ORUBERMEK** [oruvermek], *işl.* Orup başlamak. *Indi ak ekinler orubermeli bolupdyr.*

**ORULGY** [orulğy], *syp.* Orlup goýlan, orlup gutarylan.

**ORULGYLYGYNA** [orulğuluğno], *hal.* Orlan görnüşinde.

**ORULMAK** [orulmok], *işl.* Orak bilen ýygylmak. *Jigim ikimiz orlan ýorunjalary çekmäge başladyk.*

**ORUM**, *at.* Ösüp ormaly bolan ýagdaýyndaky orluş. *Ýorunjanyň bäşinji orumy.*

◊ **Oruma gelmek** ösüp ormak derejesine ýetmek, ormaly bolmak.

**ORUN**, *at.* **1**. Oturmak, ýerleşmek üçin ýer, jaý.*Olaryň orny birinji hatarda bolany üçin, perde açylmanka oturmaga ýetişdiler* (B. Kerbabaýew). **2**. Birine derek, biriniň ýerine. *Ol ata hem ene ornunda durup, inilerine hossarlyk etdi.* **3**. *göç.m.* Wezipe, gulluk. **4**. Biriniň ýa-da bir zadyň özüniň alyp barýan işiniň düzgünlerine laýyklykda tutýan ýeri, ýagdaýy. *Dokma senagaty pudagyny öňdäki orunlara çykarmak.* **5**. *sport.* Ýaryşda eýelenen ýer. *Birinji orny türkmen küştçüsi eýeledi.*

◊ **Orun baglamak** gowy ýerleşip gitmek, ýerli-ýurtly bolmak. *Ol oba gidip, şol ýerde orun baglady, yzyna gaýdyp geleýin diýenok.* **Orun doldurgyjy** *dil b.* "kimde?, nämede?, nirede?" diýen soraglara jogap bolup, sözlemde aňladylýan pikiriň ornuny görkezýär.

**ORUNBASAR** [orunmasar], *at.* Edarada, kärhanada başlykdan soňky wezipe; başlygyň wezipeli kömekçisi. *Ol ýigit başlygyň orunbasarydy.*

**ORUNBASARLYK** [orunmasarlyk], *at.* Orunbasaryň wezipesi, käri, ýagdaýy. *Ol özüniň orunbasarlyk edýän döwründe zähmetsöýer adam hökmünde özüni tanadypdy.*

**ORUNLY**, *syp.* Ýolagçy ulaglarynda, tomaşa jaýlarynda we ş.m.-lerde ýeri, orny bolan.

**ORUNLYK** [orunluk], *syp.* Bir ýa-da birnäçe orun üçin niýetlenen (awtoulag, uçar, gämi we ş.m.).

**ORUNSYZ** [orunsuz], *syp.* **1**. Orny bolmadyk, orny bellenmedik, ýersiz. *Biletleri elime alyp seretsem, olar orunsyz biletler eken* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Ähmiýetsiz, biderek, ýerliksiz. *Olaryň başlaryndan başly-barat pikirleri şemal degen akbaş tozgasy ýaly tozady, orunsyz ökünçler sowuldy* (B. Kerbabaýew).

**ORUNSYZLYK** [orunsuzluk], *at.* **1**. Orny ýokluk, ýersizlik. **2**. *göç.m.* Derege alynmazlyk, sana goşulmazlyk, sansyzlyk.

**ORUŞ**, *iş ady.* Ormak ýagdaýy.

**ORUŞMAK** [oruşmok], *işl.* Ormaga kömek etmek. *Tomus döwründe daýhan birleşigine orak oruşdyk.*

**OSAL** [osol], *hal.* Ahmal, bilmän, bilmezden. *Osal bolsaň asarlar, ýuwaş bolsaň basarlar, orta-miýana bolsaň, il agasy ýasarlar* (Nakyl). *Geçen ýylky osal edilen işler indi gaýtalanmaz* (G. Kulyýew).

**OSETIN** [oseti:n], *at, ser.* **Osetinler**.

**OSETINLER** [oseti:nler], *at.* Demirgazyk Osetiýanyň we Günorta Osetiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**OSLAGSYZ** [osloğsuz], *syp.* Garaşylmadyk ýerden, birden, duýdansyz. *Nar ýaly ýaňaklaryndan syrygýan monjuk-monjuk deri ýeňi bilen syrdy-da, kakasyna oslagsyz sorag berdi* (G. Ezizow).

**OSLAMA** [oslomo], *iş ady.* Oslamak ýagdaýy.

**OSLAMAK** [oslomok], *işl.* Bir zadyň, edilen hereketiň we ş.m. aňyrsynda kimdir biri bardyr öýtmek.

**OSLAMAKLYK** [oslomokluk], *iş ady.* Oslamak ýagdaýy.

**OSLAMAZLYK** [oslomozluk], *işl.* Bir zadyň, edilen hereketiň we ş.m. aňyrsynda kimdir biri bardyr öýdüp çaklamazlyk, pikir etmezlik. *Ondan beýle zady oslamaýardyk.*

**OSLANMAZLYK** [oslonmozluk], *işl.* **1**. Bir zadyň, edilen hereketiň we ş.m. aňyrsynda kimdir biri bardyr öýdülip çaklanmazlyk. **2**. Bolar öýdülmedik, garaşylmadyk. *Wah, bu bir oslanmadyk iş boldy* (H. Derýaýew).

**OSLAÝYŞ** [osloýuş], *iş ady.* Oslamak ýagdaýy.

**OSMA** [osmo], *iş ady.* Osmak ýagdaýy.

**OSMAK** [osmok], *işl.* Özi ýalydyr öýtmek, özi ýaly hasaplamak, özüne meňzetmek, deňemek. *Ogram özüni asar, orramsam* (Nakyl).

**OSMAKÇY** [osmokçy], *at.* Guda bolunmazyndan öň, gyzyň ýa-da oglanyň maşgala ýagdaýyny, gylyk-häsiýetini bilmek üçin ýörite iberilýän adam. *Nurgözel daýzalar Berdilere osmakçy ugradypdyr.*

**OSMAKLADYŞ** [osmokloduş], *iş ady.* Osmaklatmak ýagdaýy.

**OSMAKLATMAK** [osmoklotmok], *isl.* Biljek bolýan zady hakynda hiç zat gürlemän, gürrüňdeşini ugruna goýberip, gepinden, gep urşundan bilesi gelýän zadyny anjak bolmak. *Wepa bu syry osmakladyp bilmekçi bolup, ahyry okuwyň iň soňky güni aňlady* (A. Gowşudow). *Keminäniň myhman bolan ýerine gelip, olaryň oglanjyklaryndan osmakladyp: –Heý, et iýdiňizmi? – diýip soraýar* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden).

**OSMAKLYK** [osmokluk], *iş ady.* Osmak ýagdaýy.

**OSMUKLATMAK** [osmuklotmok], *işl., ser.* **Osmaklatmak**. *Beýdip osmukladyp oturma-da, bilesiň gelýän zadyňy gönüläp soraber.*

**OT**, *at.* Inçe gök baldakly uly bolmadyk ösümlik. *Ýaz oty. Haşal otlar. Dermanlyk otlar.*

**OT** [o:t], *at.* Ýanýan zatdan çykýan alaw, ýalyn.

◊ **Oda basan ýaly** bir zady gyssanmaç, howlugyp hereket edýän adam hakynda ulanylýan durnukly aňlatma. **Oda düşmek**. *ser.* **Oda-köze düşmek**. *Yzynda bir oda düşüp ýöreni bar bolsa gerek* (Ý. Mämmediýew).**Oda gaçmak** haýsydyr bir harydyň bahasy gaty ýokary galmak, gaty gymmatlamak, ot bilen ýalyn bolmak. **Oda-köze düşmek** bir zadyň ugrunda howsalaly, aljyraňňy ýagdaýda bolmak, alňasamak, howsala düşmek. **Oda salsaň tütemez** hor-homsy gün görýän, halys lüti düşük (adam hakynda). **Ody bilen girip**, **küli bilen çykmak** tüýs ýürekden hyzmatynda durmak, hyzmatyny etmek. *Goý, odum bilen girip, külüm bilen çyksyn* (B. Seýtäkow). **Oduna çoýunmak** birinden bir zady gaty gymmat bahadan satyn almak. *Ol ak bazara çykyp bilmänsoň, hemişe obalaryndaky bir süýthoryň oduna çoýunmaly bolýardy.* **Oduny ölçermek** biriniň

derdini gozgamak, janyna batmaýan köne gürrüňi ýatlamak. **Ot açmak (sowurmak) 1)** *ser.* **Ot gorsamak**. **2)** birsyhly ok atyp durmak, yzyny kesmän gülle, ok ýagdyrmak. **Ot almak 1)** ýanmak, otlanmak. *Ýandak küdesi ot alypdyr.* **2)** öz garaşyşy ýaly bolmansoň, sabyr-takatyny ýitirip, gaty öjükmek, ýüregini eline almak. *Ol bu sözleri eşidip, ot alaýdy* ("Edebiýat we sungat"). **Ot basylan ýaly** gaty täsirli, galjaňlyk döredýän (duýgy, täsir we ş.m. hakynda). *Olaryň aýagyna edil ot basylan ýalydy* (B. Seýtäkow). **Ot bermek 1**) bir ýan ujundan otlamak. **2**) meçew bermek, öjükdirmek, küşgürmek, gyzdyrmak. **3**) gyzykdyrmak, isleg döretmek; odukdyrmak. *Bu mata gyzlara ot berdi.* **Ot bilen ýalyn** örän gymmat, nyrhy öte ýokary. **Ot bolup geçmek (ötmek)** jasladyp parran geçmek, ýüregiňi gobsundyrmak; kalbyňa ornamak. *Gözleri içimden ot bolup geçdi, Gözel görki ýüregimde ýer tutdy* (A. Kekilow). **Ot-da gara gan bolmak** ýetişiksiz gara günde iki-baka ylgaşlamak, bir işi çalt edip gutarjak, bitirjek bolmak.*Ot-da gara gan bolup, her näçe haýdasam-da, işimi bolup bilemok.* **Ot gorsamak 1)** betlik, bezzatlyk, ýakymsyzlyk etmek, ulukjyn açdyrmak, dek oturmazlyk, guduz açmak. *Ol oglan gaty bet, uzynly gün ot gorsaýdy.* **2**) alyp-ýolup barmak, hars urup, işläp gazanç etmek. *Iliň seniň ýaly ýigit ýeten ogullary ot gorsaýarlar* (A. Durdyýew). **Ot-elek bolmak** gyssagly hereket etmek, gyssanmak, howlukmak, galagoplyga düşmek. *Ýeri, siz ne beýle aldyranyňyz bar ýaly ot-elek bolýarsyňyz?!* **Ot sowurmak 1)** *ser.* **Ot açmak 2)** ýakymsyzlyk, bezzatlyk etmek, goh turuzmak. *Çagalar iki ýana ylgaşyp ot sowurýarlar.* **3**) çendenaşa gyzmak, ýakyp-ýandyrmak, bişirip barmak. *Ýene birki sagatdan soň, gün ot sowrup başlajak* (A. Gowşudow). **Otdan alyp, suwa salmak** beterinden beterini etmek. *Bu duýgy ony bir begendirýärdi, bir gynandyrýardy, otdan alyp, suwa salýardy.* **Otdan-suwdan gaýtmazlyk** her bir işiň hötdesinden gelip bilmeklik, hiç bir zatdan heder etmezlik, dogumlylyk. *Seniň ýanyňdakylar seniň üçin otdan-suwdan gaýtmazlar* (B. Seýtäkow). **Ot ýakdyrmazlyk** ynjalyk bermezlik, günüňe goýmazlyk, rahatlyk bermezlik. *Bu zaňňar ot ýakdyrmaýar* ("Görogly"). **Ot ýaly 1**) gaty gyzgyn. *Ol içi ot ýaly çorbaly tabagy öňüne çekdi*. **2)** is başarjaň, dogumly, edenli. *Hawa, oglanlar biri-birinden kem däldir. Baram ot ýalydyr* ("Edebiýat we sungat"). **Basan ýerinden ot çykmak** gaty dogumly hereket etmek (*ser*. **Basmak**).

**OTABERMEK** [ota:vermek], *işl.*Otap başlamak; otamak işini dowam etdirmek. *Şu ýerden başla-da, aňyrlygyna tarap otaber.*

**OTAG** [otoğ] **I**, *at.* Ýaşalýan jaýdaky birnäçe tamyň biri. *Iki otagyň arasyndaky gapyda gabsa deregine ýaşyl perde asylgydy* ("Edebiýat we sungat").

**OTAG** [otoğ] **II**, *at.* Ekilýän ekinleriň düýbüni ýumşadyp, haşal otlardan arassalaýyş işi. *Höwes bilen bejerýäris pagtany, Yhlas edip, jan çekýäris otagda* (A. Salyh).

**OTAGA** [otoğo] , *at.* Şaýly tahýanyň gupbasyna oturdylýan, düýebaşlyklara dakylýan per, jyga. *Başynda karkara, zerrin otaga, Şasenem sypatly gyzlary bardyr* (Magrupy). *Kümüş gupba güneş nury degende, Otagalar oýnar ýeller içinde* (R. Seýidow).

**OTAGALY** [otoğoly], *syp.* Otaga dakylan, jygaly.

**OTAGÇY** [otoğçy], *at.* Otag edýän adam. *Aňyrrakda bolsa otagçylar otag otap ýördüler.*

**OTALMAK** [otolmok], *işl.* Otag edilmek.. *Gowaçalaryň içi gaýtadan otaldy.*

**OTAMA** [otomo], *iş ady.* Otamak ýagdaýy. *Otag otaşyn-a otag otamany bilmeýäniňkä meňzeýär.*

**OTAMAK** [otomok], *işl.* Ekinleriň içini haşal otlardan arassalamak. *Olar atyzda gowaça otaýarlar.*

**OTAMAKLYK** [otomokluk], *iş ady.* Otamak ýagdaýy.

**OTAR** [otor], *at, gepl.d., ser.* **Otlag**. *Oglanlardan biri: "Şu gün otarda gezip ýörkäm, bir aýagy döwük towşan gördüm, arman tutup bilmedim" diýdi* (A. Gowşudow).

**OTARMA** [otormo], *iş ady.* Otarmak ýagdaýy.

**OTARMAK** [otormok], *işl.* Maly meýdana goýberip bakmak, mallary örüde otlatmak. *Birden aşak seretse, baýyň inerlerini otaryp ýörene gözi düşýär* ("Türkmen halk ertekileri").

**OTARMAKLYK** [otormokluk], *iş ady.* Otarmak ýagdaýy.

**OTARTMAK** [otortmok], *işl.* Otarmaga mümkinçilik bermek. *Mallary otartmak.*

**OTARYBERMEK** [otoruvermek], *işl.* Mallary örüde otladybermek.

**OTARYLMAK** [otorulmok], *işl.* Mallar örä goýberilip otladylmak. *Mallar otarylyp getirildi.*

**OTARYŞ** [otoruş], *iş ady.* Otarmak ýagdaýy.

**OTAŞDYRMAK** [otoşdurmok], *işl.* Ähli ýeri otamak, köp ýeri otap çykmak.

**OTAŞMAK** [otoşmok], *işl.* **1**. Otamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup otamak. *Adamlar gowaça ekilen meýdanda otag otaşyp ýördüler.*

**OTATMAK** [ototmok], *işl.* Otamaga mejbur etmek; otamak işini başga birine etdirmek, birine otamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Kaka, maňa-da otag otatsana! Kelem otatmak. Sogan otatmak.*

**OTAÝYŞ** [otoýuş], *iş ady.* Otamak ýagdaýy. *Otag otaýşyň nähili?*

**OTBAŞ** [o:tba:ş], *at.* Adamyň, köplenç, boýnunda döreýän ýara, gijilewükli baş.

**OT-ÇÖP,** *at.* **1**. Her hili ösümlikler, otlar. *Ot-çöpem baharda jana gelýär* (B. Annageldiýew). **2**. Mal üçin iýmlik ot-iým. *Gyşda mal iýer ýaly ot-çöpümiz ýeterlik.*

**OTÇULYK** [otçuluk], **1**. *at, ser.* **Otluk 1**. **2**. *syp.* Ot taýýarlamak bilen meşgullanýan, ot-iým taýýarlaýan iş ugry. *Maldarlarymyzyň we otçulyk toparynyň agzalarynyň bütin güýji häzir şu işe gönükdirildi.*

**OT-ELEK** [o:d-elek]: **ot-elek bolmak** ýetişiksiz günde iki-baka ylgaşlamak.

**OT-EPGEK** [o:d-epgek], *syp.* Yssy. Ot-epgegiň içinde beýdip horlanyp ýörmezler.

**OT-IÝM,** *at.* Mallar iýer ýaly iýmitiň umumy ady. *Kimse goluny çermäp, gapyda odun aýyrýardy, kimse mal-gara ot-iým berýärdi* (G. Kulyýew).

**OT-IÝMLIK,** *syp.* Mallara iým bolarlyk, mal iýmitlendirmek üçin gerekli. *Ot-iýmlik üçin üýşürilip goýlan saman.*

**OTLAG** [otloğ], *at.* Mal bakylýan otluk ýer, öri meýdan, öri, otar. *Bahar bolsa çarwadarlar çykarlar, Otlagynda ner, maýalar bakarlar* (Misgingylyç). *Goý indi gül öwüssin çölüň, otlagyň* (R. Seýidow).

**OTLAMA** [otlomo], *iş ady.* Otlamak ýagdaýy.

**OTLAMA** [o:tlomo], *iş ady.* Otlamak ýagdaýy.

**OTLAMAK** [otlomok], *işl.* Meýdanda ot iýip iýmitlenmek, ot iýmek. *Düýe aýdar otlar men, Otlan ýerim ýatlar men* (Magtymguly).

**OTLAMAK** [o:tlomok], *işl.* **1**. Ot bermek, ot aldyrmak, ýakmak, ýandyrmak. *Juda bir gyssag işi çykaýmasa, tüsseli çyrajygyny otlap, nebit hem sarp etmeýärdi* (A. Gowşudow). *Tokaý otla, at gazan* (Nakyl). **2**. Herekete getirmek, işletmek, ýöretmek (içinden ot alýan hereketlendirijiler hakynda). *Sürüji maşyny otlady.* **3**. Atmak, tüpeňlemek.

◊ **Otlap goýbermek** harydy hakyky nyrhyndan has gymmat satyp, biriniň işini görmek, jürüni dikmek, çürkemek. *Olar-a seni ýene otlap goýberipdir, alan zadyň beren puluňa degenok ahyry?!*

**OTLAMAKLYK** [o:tlomokluk], *iş ady.* Otlamak hereketi.

**OTLANMAK** [o:tlonmok], *işl.* **1**. Öz-özünden ot almak, ýanmak, tutaşmak. *Öl bedäni küde bassaň, öz-özünden otlanar.* **2**. Biri tarapyndan ot berilmek, ýakylmak. **3**. Çekjek çilimiňi otlamak. *Çilim otlanmak.* **4**. Hereket edip, işläp başlamak. *Men açary ýarym öwrüm towlanymdan, maşyn otlandy.*

**OTLAP-SUWLAMAK** [otla:p-suwlomok], *işl.* Bir ýerde ýaşamak. *Onuň nirede otlap-suwlaýanyny alla bilýär* (B. Kerbabaýew).

**OTLAŞDYRMAK** [o:tloşdurmok], *işl.* Otlap çykmak, ýakyşdyrmak, bir ýanyndan otlamak. *Peçleri otlaşdyrmak.*

**OTLAŞMAK** [otloşmok], *işl.* Bary, hemmesi otlap ýörmek. *Bu giň meýdanyň göwsünde geçi, goýun, düýe, sygyr ýaly mallar mydama ýaýraşyp, otlaşyp ýörerdiler* (H. Derýaýew).

**OTLAŞMAK** [o:tloşmok], *işl.* **1**. Otlamaga kömek etmek. *Üýşürilen saplyk-süplükleri otlaşmak.* **2**. Bilelikde otlamak. *Olar meýdandaky hapa-hupalary otlaşyp ýördüler.*

**OTLATMAK** [otlotmok], *işl.* Otlamaga mümkinçilik bermek, otlamaga goýbermek. *Mahal-mahal düşläp, düýelerini otladyp, olar alty gün ýörediler* ("Edebiýat we sungat").

**OTLATMAK** [o:tlotmok], *işl.* Otlamaga ýol bermek; otlamaga mejbur etmek.

**OTLAÝYŞ** [otloýuş], *iş ady.* Otlamak ýagdaýy.

**OTLAÝYŞ** [o:tloýuş], *iş ady.* Otlamak ýagdaýy.

**OTLUÇÖP** [o:tluçöp], *at.* Ot ýakmak üçin ulanylýan bir ujy ýanýan jisimli inçejik çöpjagaz, kükürt.

**OTLUK,** *at.* Otuň köp ýeri, otly meýdan, çemenlik. *Bular gidip barýarkalar, bir otluk ýer tapypdyrlar* (Halk ertekisinden).

**OTLUK** [o:tluk], *at.* Semawaryň turbasynyň düýbündäki gözenekli ot ýanýan ýeri.

**OTLUKLY** [o:tlukly]: **otlukly ýaly** darsyldap edilýän dogumly hereket. *Ýöräniňde otlukly ýaly ýöräp, gepläňde şänik döwlen ýaly etmelisiň* (A. Durdyýew).

**OTLUK-SUWLUK,** *at.* Oty we suwy bol ýer, bag-bakjaly lälezar ýer. *Bu ülkede otluk-suwluk ýerler köp.*

**OTLY** [o:tly] **I**, *at, gepl.d.*Demir ýol bilen hereket edýän tirkegli ýük we ýolagçy ulag düzümi. *Gatbar-gatbar jaýlar ýoluň ýeňsesi, Uzakdan eşidilýär otlynyň sesi* (A. Kekilow).

**OTLY** [o:tly] **II**, *syp.* **1**. Ujunda, aşagynda, içinde ot ýanyp duran. *Ol ýanyp duran otly kesindini eline aldy.* **2**. Örän gyzgyn, howurly, jöwzaly, gaty yssy. *Otly tomusdan soň jomart güýz geldi.*

◊ **Otly köýnek geýmek** kalbyňa howul düşmek, howsala düşmek, başyňy nirä urjagyňy bilmezlik. *Gitdiler, indi men yzlarynda otly köýnek geýip otyryn* (H. Derýaýew). **Otly tagana atarmak** oda atmak, ýakmak, ýandyrmak, gynamak, ejir çekdirmek. *Aýna näme bolanyny bilmän, otly tagana ataryljagyma gözüm ýetse-de, men ony taşlap gitmen* (B. Kerbabaýew).

**OT-OJAK** [o:d-o:jok], *at.* Ot ýakylýan ojak. *Ýigitleriň birnäçesi ot-ojak gazmak işi bilen meşgul boldular.*

**OTSÖNDÜRGIÇ** [o:ssönnürğüç], *at.* Ýangyn söndürilýän ýörite enjam.

**OTUGYBERMEK** [otuğuvermek], *işl.* Otugyp başlamak, özbaşdak ot iýip başlamak.

**OTUGYŞ** [otuğuş], *iş ady.* Otukmak ýagdaýy.

**OTUKDYRMAK** [otukdurmok], *işl.* Otlamagy öwretmek, ot-iým iýmegi öwretmek. *Täze bolan göläni otukdyrmak.*

**OTUKMA** [otukmo], *iş ady.* Otukmak ýagdaýy.

**OTUKMAK** [otukmok], *işl.* Otlamagy öwrenmek, ot-iým iýmegi öwrenmek, ot-iým iýip başlamak. *Oglum, tanaň otugandyr* ("Görogly").

**OTUKMAKLYK** [otukmokluk], *iş ady.* Otukmak ýagdaýy.

**OTUR,***at.* Belli bir kada boýunça sözlemdäki sözleriň arasynda goýulýan dyngy belgi (,).

**OTURA** [oturo], *syp.* Aýagy ysmaz, şel bolup ýerinden galyp bilmeýän, maýyp. *Ol onuň otura bolanlygyny bileninden soň, öz-özünden derdinmäge oturdy* (N. Saryhanow). *Goja kyn düşse-de ýöremäge çalyşýardy, ýöremese, aýakdan galyp, otura bolaryn öýdýärdi.*

**OTURAN** [oturon], *at, gepl.d.* Neşekeş bolan adam. *Gynançly ýeri, olam oturanyň biri.*

**OTURDAŞ** [oturdoş], *at.* Kazyýetde raýat ýa-da jenaýat işlerine garamaklyga gatnaşmak üçin kanun boýunça saýlanan wekil.

**OTURDAŞLYK** [oturdoşluk], *at.* Oturdaşyň wezipesi, ýagdaýy.

**OTURDYLMAK** [oturdulmok], *işl.* **1**. Nahal, agaç ekilmek. *Tohum sepilmeli we nahal oturdylmaly ýerler çuň sürüldi, tekizlenildi.* **2**. Bir zat nirädir bir ýere dykylmak, gurulmak, goýulmak. *Gülýakany owadanlaýan esasy serişde bolsa oňa oturdylýan gaşlardyr* ("Edebiýat we sungat").

**OTURGYÇ** [oturğuç] **I**, *at.* Oturmak üçin agaçdan, demirden we ş.m. ýasalýan enjam.

**OTURGYÇ** [oturğuç] **II**, *at, dokm.* Küjini göterip, saklap durmak üçin toýun palçykdan galdyrgyç.

**OTURMA** [oturmo], *iş ady.* Oturmak ýagdaýy.

**OTURMAK** [oturmok], *işl.* **1.** Iki dyzyňy epip, bir ýerde ornaşmak, bir ýerde ýerleşmek. *Wepa bilen Kelje bolup duran wakany synlap, bir gapdalda oturdylar* (A. Gowşudow). **2**. *B*ir ýerde ýerleşip ýaşamak. *Olar Garagöl obasynda oturýardylar* (B. Kerbabaýew). **3**. *gepl.d.*Neşä özüňi aldyrmak, barypýatan neşekeş bolmak. **4**. Ýerleşmek. *Galanyň ileri günbatar gapdalynda bir garaja oraça otyrdy*(A. Gowşudow). **5**. Hal işligiň *-yp, -ip, -up, -üp, -p* goşulmasyny kabul eden işlikden soň *oturmak* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Gülüp oturmak** oturan ýerinden dowamly gülmek. **Gidip oturmak** gitmegini dowam etdirmek.

**OTURMAKLYK** [oturmokluk], *iş ady.* Oturmak ýagdaýy.

**OTURSA-TURSA** [oturso-turso], *hal.* Hemişe, elmydama, häli-şindi, birsyhly. *Enäniň otursa-tursa bar aladasy ogludy.*

**OTURTMA** [oturtmo], **1**. *iş ady.* Oturtmak ýagdaýy. *Ony ýeňsede oturtmaň-a birhili.* **2**. *syp.* Düýbi oturdylyp ekilen. *Oturtma sogan.*

**OTURTMAK** [oturtmok], *işl.* **1**. Oturmagyny haýyş etmek, oturmaga kömek etmek ýa-da mejbur etmek. **2**. Ösümligi köki, düýbi bilen ýere ekmek, sançmak, dürtmek. **3**. Bir zady bir ýerde berkidip, gurup goýmak. *Jaýyň üstünde çanak antenna oturtmak.*

**OTUR-TUR**,*at.* Ownuk is, içeriniň hysyrdyly ojuk-bujuk işi. *Ol girdi-çykdy, otur-tur bilen özüni ýadatdy* (B. Soltannyýazow).

**OTURYBERMEK** [oturuvermek], *işl.* Iki dyzyňy epip, bir ýerde ornaşybermek.

**OTURYLMAK** [oturulmok], *işl.* **1.** Belli bir ýerde ýerleşip ýaşalmak, mesgen tutulmak. *Öňler bu ýerlerde-de oturylýardy.* **2**. Uzak oturmak, bir ýerde oturyp galmak, köp bolmak. *Myhmançylykda köp oturylaýypdyr.*

**OTURYLYŞYK** [oturulşuk], *at.* Ýygnanyşyk, üýşmeleň, kiçeňräk toý, oturyşma. *Biz baranymyzda oturylyşyk mazaly gyzan eken* (G. Kulyýew).

**OTURYMLY** [oturumly], *syp.* Göçüp-gonup ýörmeýän, hemişe bir ýerde ýaşaýan, ýerli. *Oturymly ilat.*

**OTURYMLYLYK** [oturumluluk], *at.* Hemişe bir ýerde ýaşamaklyk, oturymly bolmaklyk, ýerlilik.

**OTURYP-TURMAK** [oturup-turmok], *işl.* **1**. Ilki aýagyňy epip, soňundan dik durmak. **2**. Gymyldydan galmazlyk, adam üçin zerur herekleri edip bilmek. *Bu ýaşdan soň oturyp-turmaga ýarasam oňýan-la.*

**OTURYŞ** [oturuş], *iş ady.* Oturmak ýagdaýy. *Onuň oturyşy gaty arkaýyn görünýär.*

**OTURYŞMAK** [oturuşmok], *işl.* **1**. Kem-kemden oturmak, ýerleşişmek. *Goçmyrat we başgalar geçip oturyşdylar* (A. Gowşudow). **2**. Oturylyşyk etmek, üýşmeleň, ýygnanyşyk etmek, kiçeňräk toý etmek, gellebäri (gelbäri) etmek.

**OTURYP-TURUŞ** [oturup-turuş], *at.* Edep-ekram, özüňi alyp baryş. *Bir ýigidiň aslyn bileý diýseňiz, Märekede oturup-turuşyn görüň* (Magtymguly). *Onuň häsiýeti, oturyp-turşy edil atasyna çekipdir.*

**OTURYP-TURUŞMAK** [oturşup-turuşmok],*işl.* Biri bilen baryş-geliş etmek, ýakyn aragatnaşyk saklamak, biri-biriň bilen gatnaşmak. *Onuň atasy atly-abraýly adamlar bilen oturyp-turşan adam.*

**OTURYŞYK** [oturuşuk], *at, ser.* **Oturylyşyk**.

**OTURYW** [oturuw]: **oturyw ýok** elmydama işli, dynç alara wagt ýok. *Maňa azajyk wagt hem bolsa oturyw ýok* (A. Gowşudow).

**OTUZ**, **1**. *san.* 30 belginiň ady we onuň aňladýan sany. *Otuz ýaşa barynça, göýä bir algyr şir sen, Dünýä gamy başyňda, göýä ýügrüp alyr sen* (Magtymguly). **2**. *at.* Oglana dakylýan at.

◊ **Otuz ikisini owratmak** agzynyň üstüne mazaly urmak, ýelmemek, dişini uşatmak.

**OTUZLYK** [otuzluk], *at.* **1**. Belli bir ugur boýunça gatnaýan awtobusyň, trolleýbusyň 30 belgi bilen aňladylýan ady, ýagny: *otuzlyk awtobus* - *otuzlyk. Otuzluga münmek. Otuzluga köp garaşmak.* **2**. Käbir zatlarda ölçeg birligi. *Gapydan giren ýeriňde, otuzlyk ...çyra parlap ýanyp dur* (N. Pomma).*Otuzlyk tigir.*

**OTUZYNJY** [otuzunjy], *san.* 30 sanyndan ýasalan tertip san.

**OTYRÝER** [otuýrýer], *at.* Adamyň syrty. *Käýerde otyrýeri bilen süýşüp yz edip gitdi* ("Görogly").

**OT-ÝALYN** [o:t-ýalyn], **1**. *at.* Ýalynlap ýanýan ot; ot hem ýalyn. **2**. *göç.m.* Söweş, uruş. *Ot-ýalyndan, okdan ötüp gelipdir* (A. Atajanow).

**OWA** [owo], *at.* Gözüň almasynyň ýerleşýän okarasy. *Gözüniň owasyny ýaşdan doldurup, onuň aýagyndan çokaýyny çykardy* (O. Ödäýew).

**OWADAN** [owodon], *syp.* **1**. Sypaty, daş görnüşi gelşikli, göze ýakymly, görmegeý. **2**. Gyza dakylýan at.

**OWADANLAMA** [owodonlomo], *iş ady.* Owadanlamak ýagdaýy.

**OWADANLAMAK** [owodonlomok], *işl.* Bezemek, owadan görnüş bermek, gözel etmek, gelşikli etmek. *Gapysynda täze tam, Owadanlap bejerlen* (O. Täçnazarow).

**OWADANLAMAKLYK** [owodonlomokluk], *iş ady.* Owadanlamak ýagdaýy.

**OWADANLANMAK** [owodonlonmok], *işl.* Owadan bolmak, gelşigine gelmek, görmegeý bolmak. *Häzir görseň ol daýanypdyr, owadanlanypdyr* (R. Alyýew).

**OWADANLAŞMAK** [owodonloşmok], *işl.* **1**. Birine bir zady owadanlamaga kömek etmek. **2**. Owadan bolup başlamak, durdugyça gelşikli, görmegeý bolup ugramak. *Onuň ýaňagy gyzaryp, has hem owadanlaşdy* (R. Allanazarow).

**OWADANLATDYRMAK** [owodonlotdurmok], *işl.* Owadanlamak işini birine etdirtmek.

**OWADANLATMAK** [owodonlotmok], *işl.* Birine bir zady owadan bolar ýaly etdirmek. *Diwarlaryň ýüzüni owadanlatmak.*

**OWADANLAÝYŞ** [owodonloýuş], *iş ady.* Owadanlamak ýagdaýy.

**OWADANLYK** [owodonluk], *at.* **1**. Daş görnüşi bilen özüne çekijilik, daş görnüşi göze ýakymlylyk, görmegeýlik, gelşiklilik, görklülik. *Onuň syraty diýermiň, owadanlygy diýermiň – edil bolsady ekilen ýaly* (B. Kerbabaýew). *Daşdan görüp söýýänim, Ýeke owadanlygyň däl* (A. Alamyşow). **2**. Timarlylyk, rejelilik, bezeglilik, gözellik. *Tüweleme, köçeleriň owadanlygyna gözüň gidýär.*

**OWAL** [owol], *hal, ser.* **1**. Ozal, öň, ilki. *Owal aldap biýr sen baly, dünýä heý!* (Magtymguly). **2**. Geçmiş, köne döwür, gadym zaman. *Owalda, ahyrda eýäm gözlese, Garyp biçäräniň paýy gözel sen* (Magtymguly).

◊ **Owaly bilen** ozaly bilen, öňi bilen, ilki bilen, ilki, başda. *Owaly bilen yhlasly zähmet çekmeli.*

**OWAL-AHYR** [owol-a:hyr], *hal.* Haçan-da bolsa bir wagt, öňde-soňda, heran-haçan, ahyr soňunda. *Söýgi biziň ýolumyzda gurlup goýlan sessiz gapan, Barmyka, heý, owal-ahyr şol gapana düşmän geçen* (M. Seýidow).

**OWALKY** [owolky], *syp., ser.* **Ozalky**.

**OWALKYLYGYNA** [owolkuluğno], *hal.* Owalky bolşuna, öňki halynda, öňki bolşundan üýtgetmän. *Owalkylygyna galdyrmak.*

**OWALYNDA** [owolunno], *hal, ser.* **Ozalynda.**

**OWAN**, *at,gepl.d.* Üzümiň gyşa saklanýan görnüşi.

◊ **Owan etmek** güýz paslynda ýyglan üzümi uzak wagtlap saklamak üçin öýüň, döläniň we ş.m. içki diwarlaryndan çekilen ýüpdür çilbirde, simde hoşalaýyn asyşdyryp goýmak. *Men şu ýylky üzümlerimiň ýaryny diýen ýaly gyş üçin owan edip goýdum.*

**OWARRA** [oworro], *at.* Daş, uzak ýer, uzak aralyk, gaty daş aralyk.

◊ **Owarra bol!** "ýok bol, gümüňi çek, gözüme görünme" manysyndaky sögünç söz. **Owarra git!** nirä gitseň şoňa git, gözüme görünme. **Owarra et**! ýok et, gümüni çek, göze görünmez ýaly et. **Owarrasyny tapmak** ýok bolup gitmek, güm bolup gitmek.

**OWARRAM** [oworra:m], *hal.* Goý, zyýany ýok, aýby ýok, bolsa bolsun. *Maşyna guýmaga suw ýok, maşyn owarram diýseň, içmäge-de suw gutardy* (K. Berdiýew).

◊ **Owarram etmek** näme bolsa, şol bolsun etmek.

**OWAZ** [owa:z], *at.* **1**. Bogaz perdeleriniň titremegi netijesinde emele gelýän ses. *Magtymguly, sözüň bilene sözdür, Bilmedik adama gury owazdyr* (Magtymguly). **2**. Aýdym-sazyň ýakymly labzy, sesi. *Jeren gopuzynyň owazyna görä, kä çalt, kä sadaja dem alyp çalýardy* (H. Ysmaýylow). **3**. *göç.m.* Bir zat hakyndaky habar, ses, gep, gürrüň. *Elkyssa, bu owaz şähere ýaýrady* ("Melike – Dilaram"). *Öwez jan, owazyň tutdy älemi* (G. Ezizow).

**OWAZA** [owa:za], *at.* Şöhrat, dabara, at-abraý, şan-şöhrat. *Owazaň Çyn-Maçyn, daglar aşasy, Seni görenleriň akly çaşasy* (Magtymguly).

**OWAZLANDYRMAK** [owa:zlannyrmak], *işl.* Owaz çykarmak.

**OWAZLANMA** [owa:zlanma], *iş ady.* Owazlanmak ýagdaýy.

**OWAZLANMAK** [owa:zlanmak], *işl.* Owazly ses çykmak, ýaňlanmak. *Märekäniň gopgun-gowgasy çar tarapa owazlanyp gidýär* (G. Kulyýew).

**OWAZLANMAKLYK** [owa:zlanmaklyk], *iş ady.* Owazlanmak ýagdaýy.

**OWAZLANYŞ** [owa:zlanyş], *iş ady.* Owazlanmak ýagdaýy.

**OWAZLATMAK** [owa:zlatmak], *işl., ser.* **Owazlandyrmak**.*Murtlak pyýada goşa kirşi başardygyça sazlaşykly owazladyp, üç-dört heň gaçyrdy* (G. Kulyýew).

**OWAZLY** [owa:zly], *syp.* Owazy bar bolan, hoş ýakýan sesli, ýakymly, mylaýym, şirin sesli, labyzly. *Hoş owazly bilbilimden, şirin güftardan aýryldym* (Magtymguly).

**OWAZLYLYK** [owa:zlylyk], *at.* Owazy barlyk, owazly bolmaklyk. *Bu dutaryň owazlylygy beýlekiden gowy eken.*

**OWDURMAK** [owdurmok], *işl.* Birine bir zady owkalap, mynçgalap ýumşatdyrmak. *Gurt owdurmak.*

**OWF**, *üml.***1**. Bir zatdan allaniçigsi bolup, howpurganyňda aýdylýar. *Owf, heý beýle-de bir yssy bolarmy?* **2**. Agyryny, ýadawlygy, darykmagy, ynjalyksyzlygy we ş.m. aňladýar.

**OWGAN** [owğa:n], *ser.* **Owganlar**.

**OWGANLAR** [owğa:nlar], *at.* Owganystanyň ýerli ilaty.

**OWHAL** [owha:l], *at, gepl.d.* Hal, ýagdaý. *Ýatsam, sen-sen owhalym, Tursam golumda sazym, Köýen dertli ýürekden Çyksyn otly beýazym* (Mollanepes).

**OWJUN**, *at.* Boýuntyrygyň aşagyndan goýulýan keçe. *Owjun goýmasaň, öküziň boýnuny boýunturuk ýara edýär.*

◊ **Owjun ýüp** azalyň okuny boýuntyryga daňmak, berkitmek üçin ýüp.

**OWKALABERMEK** [owkola:vermek], *işl.* Owkalap başlamak; eliň bilen gysyşdyryp owubermek.

**OWKALAMA** [owkolomo], *iş ady.* Owkalamak ýagdaýy.

**OWKALAMAK** [owkolomok], *işl.* **1**. Bedeniň bir ýerini el bilen gysyşdyryp basyşdyrmak. *Enebaý eje bu goh-galmaga oýanyp, ýorganlarynyň üstünde oýaly-ukuly gözlerini owkalap oturan Aba bilen Ýusupberdä: – Balalam, ogul jigiňiz boldy – diýip, lak atdy-da, täze dogan çaganyň sesi çasly çykýan tama tarap döndi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 10 s.). *Elleri bilen ýüzüni owkalap pallady-da, "hak-ýeý toba" diýip, ýerinden turup, tamyna ýüzlendi* (A. Durdyýew). **2**. Bir zady eliň aýasyna salyp mynjyratmak, eliň bilen gysyşdyryp owratmak, owmak. **3**. Eýini ýetirmek üçin çekişdirip ýumşatmak, el bilen owmak (eýlenýän deri hakynda).

**OWKALAMAKLYK** [owkolomokluk], *iş ady.* Owkalamak ýagdaýy.

**OWKALANMAK** [owkolonmok], *işl.* Biri tarapyndan mynçgalanmak. *El-aýagy kemsiz owkalanan syrkawyň jany aram tapdy.*

**OWKALAŞDYRMAK** [owkoloşdurmok], *işl.* Owkalap çykmak, öwran-öwran owkalamak. *Tumar agyran goşarlaryny taýly sapar owkalaşdyrdy-da, haýdap ýola düşdi* (T. Gurbanow).

**OWKALAŞMAK** [owkoloşmok], *işl.* **1**. Owkalamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup owkalamak.

**OWKALATDYRMAK** [owkolotdurmok], *işl.* Başga birine owkalatmak. *Eýlenen derini owkalatdyrmak.*

**OWKALATMAK** [owkolotmok], *işl.* Owkalamak işini başga birine etdirmek, owkalamaga mejbur etmek; owkalamaga ýol bermek. *Arkaňy maňa owkaladaý.*

**OWKAT** [owka:t], *at.* **1**. Gün-güzeran, eklenç. *Meni öňki owkadymdan aýrarsyň* ("Görogly"). **3**. *gepl.d.*Nahar. *Olar owkady dadanlaryndan soň, pälwan ýigit topraga elini urup, ýüzüne sylýardy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Gün-owkat bermezlik** *ser.* **Gün bermezlik.**

**OWLAK** [owlok], *at.* **1**. Geçiniň, keýigiň entek alty aý ýaşamadyk çagasy. *Bir jeren aldyrsa elden owlagyn, Mäleý-mäleý gözlemeýen bolarmy?* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

**OWLAK-GUZY** [owlok-guzy], *at.* Owlak hem guzy, ownuk mal, dowar. *Meniň owlak-guzy bakýan oglan wagtymdy* (B. Kerbabaýew).

**OWLAKLAMA** [owloklomo], *iş ady.* Owlaklamak ýagdaýy.

**OWLAKLAMAK** [owloklomok], *işl.* Guzlamak (geçi, keýik hakynda).

**OWLAKLAMAKLYK** [owloklomokluk], *iş ady.* Owlaklamak ýagdaýy.

**OWLAKLAÝYŞ** [owlokloýuş], *iş ady.* Owlaklamak ýagdaýy.

**OWMA** [owmo], *iş ady.* Owmak ýagdaýy.

**OWMAÇ** [owmoç], *at.* Ýaňy bişen gyzgyn çörek dogralyp, üstüne ýag guýlup, owlup, mynçgalyp taýýarlanylýan iýmit. *Unumy tükeden unaş, ýagymy tükeden – owmaç* (Aýtgy).

**OWMAÇLABERMEK** [owmoşla:vermek], *işl.* Mynjyradybermek, mum-helim edibermek, owubermek.

**OWMAÇLAMA** [owmoşlomo], *iş ady.* Owmaçlamak ýagdaýy.

**OWMAÇLAMAK** [owmoşlomok], *işl.* Owmak, mynjyratmak, mum-helim etmek.

**OWMAÇLAMAKLYK** [owmoşlomokluk], *iş ady.* Owmaçlamak ýagdaýy.

**OWMAÇLANMAK** [owmoşlonmok], *işl.* Owulmak, mynjyradylmak, mum-helim edilmek. *Bir ýandan ýag bilen owmaçlanan gyzgyn çöregiň ysy geldi.*

**OWMAÇLATMAK** [owmoşlotmok], *işl.* Owmaçlamagy başga birine etdirmek.

**OWMAÇLAÝYŞ** [owmoşloýuş], *iş ady.* Owmaçlamak ýagdaýy.

**OWMAK** [owmok], *işl.* **1**. Gurdy owkalap ezmek, ýumşadyp ýazmak. – *Hawa, tagsyr, sen gurduňy owup ýetişdirseň, men köjäni döwüp ýetişerin – diýýär* (Kemine). **2**. *gepl.d.* Mazaly urmak, ýençmek, endam-janyny kül etmek. **3**. Keçe bişirilen mahalynda ony ezip, aýak bilen iki ýana itelemek, düýrleşdirip basmak.

**OWMAKLYK** [owmokluk], *iş ady.* Owmak ýagdaýy.

**OWNABERMEK** [owna:vermek], *işl.* Ownap başlamak, ownuk bolup başlamak.

**OWNAMA** [ownomo], *iş ady.* Ownamak ýagdaýy.

**OWNAMAK** [ownomok], *işl.* **1**. Ownuk böleklere bölünmek, owranmak, maýdalanmak, külke bolmak. **2**. Kiçelip galmak, kiçelmek. **3**. *göç.m.* Gylyk-häsiýet taýdan jinnekçi bolmak, ownukçyl bolmak. *Men näme üçin beýle ownadymkam?* (B. Seýtäkow). **4**. *göç.m.* Ähmiýeti gaçmak, ugry bolmazlyk. *Pahaý, gürrüňimiz-ä juda ownad-ow* (A. Gowşudow).

**OWNAMAKLYK** [ownomokluk], *iş ady.* Ownamak ýagdaýy.

**OWNAŞMAK** [ownoşmok], *işl.* **1**. Gylyk-häsiýet taýdan kem-kemden maýdaçyl bolup başlamak. **2**. Kiçelip, ownuk bolup başlamak. *Adamlar gitdigiçe ownaşýan ýaly.*

**OWNATDYRMAK** [ownotdurmok], *işl.* Ownar ýaly etdirmek, böleklere böldürtmek, külkeletdirmek.

**OWNATMAK** [ownotmok], *işl.* Ownar ýaly etmek, böldürmek, külkeletmek.

**OWNAÝYŞ** [ownoýuş], *iş ady.* Ownamak ýagdaýy.

**OWNUK**, *syp.* **1**.Gabarasy, müçesi iri bolmadyk, uly däl. **2**. Maýda, uşak, kiçi. *Aýsoltanyň näzik dodaklary bolsa, endigan ownuk dişlerini güjeňläp, näz ediji, özüne çekiji bir ýagdaýda ýylgyrýar* (B. Kerbabaýew). **3**. Düzümindäki sany köp bolmadyk, kiçi. **4**. *göç.m.* Möhüm, wajyp bolmadyk, ähmiýetsiz; bolgusyz, ugursyz.

◊ **Ownuk adam** ownukçyl, jinnekçi, bolgusyz adam. **Ownuk mal** goýun, geçi ýaly mallar, dowar.

**OWNUKÇYL** [ownukçul], *syp.* Sähelçe zada üns berýän, ownuk zatlara baş agyrdýan, maýdaçyl, jinnekçi. *Men seniň ownukçyl, diňe öz peýdasyna çapyp ýören adam däldigiňi bilýärin* (B. Seýtäkow).

**OWNUKÇYLLYK** [ownukçulluk], *at.* Sähelçe zada üns berijilik, maýdaçyllyk, jinnekçilik. *Söwdada ownukçyllyk edip durmazlar.*

**OWNUKLAMA** [ownuklomo], *iş ady.* Ownuklamak ýagdaýy.

**OWNUKLAMAK** [ownuklomok], *işl.* **1**. Ownap başlamak, maýdalanmak, kiçelmek. *Iri damjalar barha ownuklap, hakyky siňňitli ýagşa öwrüldi.* **2**. *göç.m.* Ownukçyl bolmak, jinnekçi, bolgusyz, maýdaçyl bolmak, ownuk-uşak zada üns bermek.

**OWNUKLAÝYŞ** [ownukloýuş], *iş ady.* Ownuklamak ýagdaýy.

**OWNUKLY-IRILI** [ownukl(y)-i:rili], *syp.* **1**. Uly we kiçi gatyşyk, ululy-kiçili, beýikli-pesli. *Şol mahal hem ownukly-irili keýik sürüsi ökje göterip, gözden ýitip gidýär* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Uly ähmiýeti bolmadyk, ownuk-uşak ähmiýetli, ownuk häsiýetli, uly bolmadyk. *Ownukly-irili kemçilik bolsa, günübirin düzetmeli.*

**OWNUKLYK** [ownukluk], *at.* **1**. Iri dällik, maýdalyk, külkelik. *Tüwiniň ownuklygy hiç.* **2**. *ser.* **Ownukçyllyk**.

**OWNUK-UŞAK** [ownuğ-uşok], *syp.* **1**. Her hili, uly bolmadyk, bölek-büçek, maýda-çüýde. *Ownuk-uşak agaç ýonuşgalaryny, çöp-çalamlary bir ýere ýygnaşdyran bolýardy* (B. Seýtäkow). **2**. Kiçi ýaşly. *Ownuk-uşak çaga görmedim-le!?* Onçakly ähmiýeti bolmadyk, kiçi-kirim, ikinji derejeli. *Ownuk-uşak meseläňiz bolsa aýdyberiň.*

**OWRADYLMAK** [owrodulmok], *işl.* Biri tarapyndan ownuk böleklere bölünmek. *Odun owradylyp goýlupdyr.*

**OWRADYŞDYRMAK** [owroduşdurmok], *işl.* Bir ýan ujundan owradyp çykmak, döwüşdirmek. *Ol sazaklary owradyşdyryp goýdy.*

**OWRADYŞMAK** [owroduşmok], *işl.* **1**. Bir zady owratmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde owratmak.

**OWRAM** [owrom]: **kül-owram bolmak** döwlüp çym-pytrak bolmak. *Ümmülmez ýogyn agaçlar gara ört bolup küle dönüpdir, kül-owram bolup pytrapdyr* (A. Gowşudow).

**OWRAM-OWRAM** [owrom-owrom], *hal.* Birnäçe bölek, köp bölek. *Agajy owram-owram etmek.*

**OWRANMA** [owronmo], *iş ady.* Owranmak ýagdaýy. *Daşyň owranmasy.*

**OWRANMAK** [owronmok], *işl.* **1**. Gaty zat ownuk böleklere bölünmek, owram-owram bolmak, döwülmek, pytramak, kül bolmak. *Balalary owranan tüýnügini tigirläp, hataryň ikinji çetindäki tama eltip urupdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Syzlap gaty agyrmak. *Köp ýöräp, gaty ýadapdyryn öýdýän, aýaklarym owranyp barýar.*

**OWRANMAKLYK** [owronmokluk], *iş ady.* Owranmak ýagdaýy.

**OWRANYBERMEK** [owronuvermek], *işl.* Gaty zat owranyp ugramak, owram-owram bolubermek.

**OWRANYŞ** [owronuş], *iş ady.* Owranmak ýagdaýy.

**OWRATDYRMAK** [owrotdurmok], *işl.* Birine gaty zady ownuk böleklere böldürmek. – *Gapyňy owratdyrmajak bolsaň aç! – diýip gaharlandy* (H. Derýaýew).

**OWRATMAK** [owrotmok], *işl.* **1**. Gaty zady ownuk böleklere bölmek, maýdalamak, döwmek, kül etmek. *Wüşi kel sazak owradyp salmakda Hoşgeldä kömek bermäge başlady* (A. Gowşudow). *Daş owratmak.* **2**. *gepl.d.*Iri puly bölmek. *Ýüzlügi owradyp biljekmi?*

**OWSAR** [owsor], *at.* Düýäniň kellesine salynýan demir dişli nogta.

◊ **Owsar salmak** erkini eliňe almak, boýun egdirmek, tabyn etmek, garaşly etmek.**Owsaryny başyna atmak (oramak)** näme bolsaň şol diýip, erkygtyýaryny özüne bermek.

**OWSARLAMA** [owsorlomo], *iş ady.* Owsarlamak ýagdaýy.

**OWSARLAMAK** [owsorlomok], *işl.* **1**. Düýä owsar salmak. *Şanyýaz üsti howutly düýeleriň ýanyna geldi-de, olary bir ýandan owsarlady* (Ý. Mämmediýew). **2**. *göç.m.* Biriniň ygtyýaryny öz eliňe almak, boýun egdirmek, tabyn etmek, garaşly etmek.

**OWSARLAMAZLYK** [owsorlomozluk], *iş ady.* Düýä owsar salmazlyk.

**OWSARLANMAK** [owsorlonmok], *işl.* **1**. Düýä owsar salynmak. *Düýeler owsarlandy.* **2**. *göç.m.* Biri tarapyndan boýun egdirilmek, tabyn edilmek.

**OWSARLAŞMAK** [owsorloşmok], *işl.* **1**. Düýäni owsarlamaga kömek etmek. *Men ýoldaşymyň adamçy düýesini owsarlaşdym.* **2**. Birnäçe bolup owsarlamak. *Oglanlar düýelerini owsarlaşyp durdular.*

**OWSARLATMAK** [owsorlotmok], *işl.* Owsarlamak işini başga birine etdirmek; owsarlamaga mümkinçilik döretmek, mümkinçilik bermek. – *Kaka, şu düýäni maňa owsarladaýsana! – Näbileýin-dä saňa owsarladaýsa.*

**OWSARLAÝYŞ** [owsorloýuş], *iş ady.* Owsarlajak bolmak ýagdaýy. *Düýäni owsarlaýşyň maňzyma batanok.*

**OWSUN**, *at.* **1**. Möý, ýylan-içýan we ş.m. çakanda okalýan doga. **2**. *göç.m.* Biriniň ýa-da bir zadyň özüne çekiji güýji, jadysy, gudraty, täsiri. *Mehinliniň owsuny şol niýetini bir bada gowşatdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Owsun atmak** möwç almak, batlanmak, haýbatlanmak. *Dag, dereler lerzan urar, Owsun atyp, sil biläni* (Magtymguly).

**OWSUNÇY**, *at.* Owsun atyjy, owsun bilen özüne çekiji, bendi ediji. *Örüm-örüm saçlaryň owsunçy mara ogşar, Nagt bereýin puluňy, bir-birden sana zülpüň* (Kemine). *Ylgadym görmäge gözel ýarymy, Ak ýüzde owsunçy zülpi-tarymy* (A. Kekilow).

**OWSUNLAMA** [owsunlomo], *iş ady.* Owsunlamak ýagdaýy.

**OWSUNLAMAK** [owsunlomok], *işl.* Owsun atmak, möwç almak, batlanmak, haýbatlanmak, galkynmak. *Şol oýunçy gözler ony özüne bakan owsunlaýardy* (B. Kerbabaýew).

**OWSUNLANMAK** [owsunlonmok], *işl.* Owsuna düşmek, owsuna uçramak.

**OWSUNLATMAK** [owsunlotmok], *işl.* Owsuna düşürmek, jadylap özüne çekmek. *Ol ony özüne bakan owsunladýardy.*

**OWSUNLAÝYŞ** [owsunloýuş], *iş ady.* Owsunlamak ýagdaýy.

**OWSUNLY**, *syp.* Özüne çekiji, jadylaýjy, täsirli. *Bagşy bir gulakdan düzülen üç dutaryň owazyna özüniň owsunly sesini goşup aýdyp başlady* ("Edebiýat we sungat").

**OWSUNMA** [owsunmo], *iş ady.* Owsunmak ýagdaýy.

**OWSUNMAK** [owsunmok], *işl.* **1**. Möwç almak, batlanmak, haýbatlanmak, güýçlenmek. *Deňiz tolkunlary owsunyp, kenara urulýardy.* **2**. Galkynmak, islemek, höwes etmek. *Çaga kakasyna barjak bolup owsunýar.*

**OWSUNMAKLYK** [owsunmokluk], *iş ady.* Owsunmak ýagdaýy.

**OWSUNYBERMEK** [owsunuvermek], *işl.* Owsunup ugramak, batlanybermek; galkynybermek.

**OWSUNYŞ** [owsunuş], *iş ady.* Owsunmak ýagdaýy.

**OWŞANAKLAMA** [owşonoklomo], *iş ady.* Owşanaklamak ýagdaýy.

**OWŞANAKLAMAK** [owşonoklomok], *işl.* Aýaklaryň arasyny giň açyp hereket etmek, ýöremek. *Ileri tarapdan bir adam owşanaklap gelýärdi.*

**OWŞANAKLATMAK** [owşonoklotmok], *işl.* Owşanak-owşanak edip ýöretmek.

**OWŞANAKLAÝYŞ** [owşonokloýuş], *iş ady.* Owşanaklamak ýagdaýy.

**OWUÇ**, *at, ser.* **Ýanowuç**. *Aslyň owuç gumdur, dem bir nepesdir, Özüňe bir dolan, işiň hebesdir* (Magtymguly). *Bir owuç däne.*

**OWUÇLABERMEK** [owuşla:vermek], *işl.* Owujyňy dolduryp alybermek.

**OWUÇLAMA** [owuşlomo], *iş ady.* Owuçlamak ýagdaýy.

**OWUÇLAMAK** [owuşlomok], *işl.* **1**. Owujyňy dolduryp almak ýa-da bermek. *Owuçlap duz almak.* **2**. Owujyň bilen bir zady, mysal üçin, sakgaly gysymlamak.

**OWUÇLANMAK** [owuşlonmok], *işl.* Owujyň doldurylyp alynmak, berilmek.

**OWUÇLATMAK** [owuşlotmok], *işl.* Owuç bilen aldyrmak, berdirmek.

**OWUÇLAÝYŞ** [owuşloýuş], *iş ady.* Owuçlamak ýagdaýy.

**OWULMAK** [owulmok], *işl.* Owkalanyp, mynçgylanyp ezilmek, ýenjilen ýaly bolmak. *Saçlary dagynykdy, tozan siňen solgun ýüzi çytykdy, gamçy degen, symsyklanan göwresi owlupdy* (B. Kerbabaýew).

**OWUNJAK** [owunjok], *syp.* Örän ownuk.

**OWUNTYK** [owuntuk], *at.* Bir zadyň ownuk bölejigi. *Bir damja suwy, bir owuntyk iýmiti şol ölçelen ryskdan artyk-da, kem-de iýibem bolmaz, içibem* (H. Derýaýew).

**OWURT**, *at.* **1**. Iki ýaňagyň iç we daş ýüzi. *Owurtlary içine gidip, çekgeleri tümmeripdir* (R. Gelenow). **2**. Agyz boşlugy, agyz. *Siz küýzäni göterip, ilki owurtlanyňyzda el ýaly gaýmak owurdyňyzy doldurar* (H. Ysmaýylow).

◊ **Owurdyna suw alan ýaly** gürlemän, geplemän oturan (adam hakynda).

**OWURTLABERMEK** [owurtla:vermek], *işl.* Suwy, suwuk zady owurtlap içip başlamak.

**OWURTLAMA** [owurtlomo], *iş ady.* Owurtlamak ýagdaýy.

**OWURTLAMAK** [owurtlomok], *işl.* Suwy, suwuk zady owurdyňa alyp içmek. *Ol iki owurtlanda, içi çally käsäni boşatdy.*

**OWURTLANMAK** [owurtlonmok], *işl.* Owurdyňa suwuklyk alnyp içilmek.

**OWURTLATMAK** [owurtlotmok], *işl.* Birine bir zady owurtlap içmäge mümkinçilik bermek.

**OWURTLAÝYŞ** [owurtloýuş], *iş ady.* Owurtlamak ýagdaýy.

**OWUŞ**, *iş ady.* Owmak ýagdaýy.

**OWUŞMAK** [owuşmok], *işl.* **1**. Birine owmaga kömek etmek. *Gurt owuşmak.* **2**. Köpçülik bolup owup oturmak.

**OWUZ**, *at.* Täze guzlan malyň ilkinji sagymynyň süýdünden bişirilen iýmit.

◊ **Owuz süýdi** täze guzlan malyň ilkinji sagymynyň süýdi. *Owuz süýdüni halaýar, Garagolja gölejik* (M. Garryýew).

**OÝ** [o:ý] **I**, *at.* Pes ýer, çöket, çöketlik, peslik. *Marynyň golaýynda, Amaşanyň oýunda, Murgabyň boýunda mydama göge bürenip oturan bir uly oba bar* (H. Ysmaýylow).

**OÝ** [o:ý] **II**, *at.* Biri ýa-da bir zat hakynda edilýän pikir, küý. *Bu gaflat ukusyna gidip baky dynçlyga batan guburlar adamyny oýa gark edýär* (T. Gurbanow).

◊ **Oýa batmak** çuň pikire gitmek, biri ýa-da bir zat hakynda köp pikir etmek. **Oýa çümmek** *ser.* **Oýa batmak.** *Çuňňur oýa çümdi Çoýan, Bir ýagty ýyldyza bakyp* (R. Seýidow). **Oýa gitmek** *ser.* **Oýa batmak.** *– Şeýle diýsene – diýip, Öwezmyrat batyr oýa gitdi* (A. Gowşudow). **Oý kölüne batmak (gark bolmak)** pikir kölüne gark bolmak, bar zatdan bihabar pikir edip oturmak.

**OÝA** [oýo], *syp.* Ukuda däl, uka gitmedik, uklaman ýatan. *– Oýa nämişlesin, samraýa-la – diýip, kakasy bilmediksirän boldy* (A. Durdyýew).

**OÝ-ALADA** [o:ý-alada], *at.* Oý-pikir, ünji. *Ýa-da başga aýratyn oý-aladasy barmydy?* (B. Kerbabaýew).

**OÝALYK** [oýoluk], *at.* Ukuda dällik, oýa halda bolmaklyk, uklaman ýatmaklyk. *Bilmen oýalykda, bilmen düýşümde, Pereňde Gyratyň owazy geldi* ("Görogly").

**OÝALY-UKULY** [oýol(y)-ukuly], *hal.* Alasarmyk ýagdaýda, ýarym ukuda, kä oýa, kä ukuly. *Öýüň gapysynda Gurban oýaly-ukuly ýatyr* (A. Durdyýew).

**OÝAN-BUÝAN** [oýa:n-muýa:n], *hal.* **1**. Eýläk-beýläk, ol tarapa, bu tarapa, iki ýana. *Oýan-buýan urunýar, Dözmeýärdi malyna* (A. Alamyşow). *Şol ýerde biraz durup, Oýan-buýan garadym* (A. Kekilow). **2**. Eýle-beýle, ol zat-bu zat, ol-bu. *Bir salym oýan-buýan, durmuş-dünýä gürrüňinden söz açyp, gürleşip oturdylar* (A. Gowşudow).

**OÝANDYRMAK** [oýonnurmok], *işl.* **1**. *ser.* **Oýarmak**.*Horazlaryň sesi olary ir oýandyrdy.* **2**. *göç.m.* Gözüni açmak, janlandyrmak, döretmek, oýarmak. *Şol duşuşyk Aýsoltanyň kalbynyň näzik ýerinde bir duýgy oýandyrdy* (B. Kerbabaýew).

**OÝANMA** [oýonmo], *iş ady.* Oýanmak ýagdaýy.

**OÝANMAK** [oýonmok], *işl.* **1**. Ukudan açylmak. *Waka şu ýere ýetende, Göwher hopugyp oýandy* (T. Taganow). **2**. *göç.m.* Ýüze çykmak, peýda bolmak, janlanmak, döremek.

**OÝANMAKLYK** [oýonmokluk], *iş ady.* Oýanmak ýagdaýy.

**OÝANYŞ** [oýonuş], *iş ady.* Oýanmak ýagdaýy.

**OÝANYŞMAK** [oýonuşmok], *işl.* Birnäçe adam oýanmak. *Adamlar oýanyşdy öýdýän.*

**OÝARMA** [oýormo], *iş ady.* Oýarmak ýagdaýy.

**OÝARMAK** [oýormok], *işl.* **1**. Ukudan açmak, turuzmak. *Näzli ýar erkin ýatandyr, Oýarmaga gyýmaz gözüm* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Ýüze çykarmak, janlandyrmak, döretmek. *Bu ýeňiş adamlarda täze zähmet joşgunyny oýardy.* **3**. *göç.m.* Janlandyrmak, oýandyrmak. *Gara gyşyň sowlup, ýazyň gelmegi dumly-duşy oýardy.*

**OÝARMAKLYK** [oýormokluk], *iş ady.* Oýarmak ýagdaýy.

**OÝARYBERMEK** [oýoruvermek], *işl.* Uklap ýatanlary oýaryp başlamak.

**OÝARYŞ** [oýoruş], *iş ady.* Oýarmak ýagdaýy. *Ýatan adamy ukusyndan oýaryşyň gaty gödek-le, eliň bilen egnine eliňi degrip, çalaja ýralaýmazlarmy?!*

**OÝATDYRMAK** [oýotdurmok], *işl., ser.* **Oýartmak**. *Otla ýetişäýer ýaly edip oýatdyraryn* ("Edebiýat we sungat").

**OÝATMAK** [oýotmok], *işl., ser.* **Oýarmak 1**, **2**. *Süýji ukuda ýatany oýatmaga ýürek edip bilmedi* (B. Seýtäkow). *Ah, juwan gyz, onuň ýşkyn oýadan, Sen dälmidiň bagryn gana boýadan?* (M. Seýidow).

**OÝDURMAK** [o:ýdurmok], *işl.* Oýular ýaly, oý bolup durar ýaly etdirmek.

**OÝ-HYÝAL** [o:ý-hyýa:l], *at, ser.* **Oý-pikir**.

**OÝJARYLMAK** [o:ýjorulmok], *işl.* Hondanbärsi bolup, ornaşykly oturmak (köplenç, aýallar hakynda). *Bossan mürähede mähetdel, öýüň oňaýly ýerine geçdi, oýjarylyp oturdy* (B. Kerbabaýew).

**OÝKABERMEK** [oýka:vermek], *işl.* Bir zady başga bir zada sürtübermek, süýkäbermek, oýkalabermek.

**OÝKALAMAK** [oýkolomok], *işl., ser.* Yzly-yzyna oýkamak, dowamly oýkamak.

**OÝKALAŞDYRMAK** [oýkoloşdurmok], *işl.* Oýkalap çykmak, ählisini oýkalamak. *Kerim agzyny Zybanyň gulagynyň ýanyna eltdi-de, burnuny onuň gür saçlaryna oýkalaşdyrdy* (Ý. Mämmediýew).

**OÝKALMAK** [oýkolmok], *işl.* **1**. Bir zat başga bir zada degrilip süýkelmek. **2**. Bir zadyň ýüzüne başga bir zat sürtülmek, çalynmak, çyrşalmak.

**OÝKAMA** [oýkomo], *iş ady.* Oýkamak ýagdaýy.

**OÝKAMAK** [oýkomok], *işl.* **1**. Bir zady başga bir zada degrip süýkemek. *Ýadymda, eje jan, ýadymda bary, Donuny bagryňa oýkan günleriň* (Ý. Durdyýew). **2**. Bir zadyň ýüzüne başga bir zady sürtmek, çalmak, çyrşamak. *Ejesi ogluna: "Ýüzüňe, gözüňe gazanyň garasyny oýkap geldiňmi?" diýdi.*

**OÝKAMAKLYK** [oýkomokluk], *iş ady.* Oýkamak ýagdaýy.

**OÝKANJYRAMAK** [oýkonjuromok], *işl.* **1**. Eýläk-beýläk gymyldap oturmak, oýkanyp oturmak, ynjalyksyz oturmak. *Ýerinden galmaga gurbatynyň çatyp-çatmajagyny synap görýän ýaly, iki-bakan oýkanjyrady* (G. Kulyýew). **2**. Bir işi ýerine ýetirmegi kyn görmek, kyn görüp ýaýdanmak, ýaltalyk edip ikirjiňlenmek. *Düşmezlige salyp, oýkanjyrap otyr zaňňar* ("Görogly").

**OÝKANJYRAŞMAK** [oýkonjuroşmok], *işl.* Birnäçe bolup oýkanjyramak. *Oýkanjyrap oturmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**OÝKANMA** [oýkonmo], *iş ady.* Oýkanmak ýagdaýy.

**OÝKANMAK** [oýkonmok], *işl.* **1**. Arkaňy ýa-da bedeniň başga bir ýerini bir zada degrip oýkamak, süýkäp gaşamak. *Dor alaşa dähedem-dessem golaý geldi-de, Artyga oýkanmakçy boldy* (B. Kerbabaýew). *Ýaplanyp oturan kepbesine oýkanyp, ýagyrnysynyň gijisini köşetdi* (H. Derýaýew). **2**. Näme etjegiňi bilmän, ýaýdanyp oýkanjyrap durmak. *Umsagül ýerinden galmakçy boldy, emma aşagy ýumurtgaly towuk ýaly galyp bilmän oýkandy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Oýkanyp oturmak** oýkanjyrap ýeriňden galman oturmak. *Näme oýkanyp otyrsyň, tur-da, işiň bilen bol!*

**OÝKANMAKLYK** [oýkonmokluk], *iş ady.* Oýkanmak ýagdaýy.

**OÝKANYŞ** [oýkonuş], *iş ady.* Oýkanmak ýagdaýy.

**OÝKANYŞMAK** [oýkonuşmok], *işl.* Köp bolup, birnäçe bolup oýkanyp oturmak. *Oýkanyşyp oturmalyň-da, işli-işimize başlalyň!*

**OÝKATMAK** [oýkotmok], *işl.* Birini bir zady oýkamaga mejbur etmek, oýkamaga ýol bermek, mümkinçilik bermek.

**OÝKAÝYŞ** [oýkoýuş], *iş ady.* Oýkamak ýagdaýy.

**OÝLAMA** [o:ýlomo], *iş ady.* Oýlamak ýagdaýy.

**OÝLAMAK** [o:ýlomok], *işl.* **1**. Pikir etmek, oýuňda aýlamak, bir zada ünsüňi gönükdirmek, pikirlenmek. *Ol ep-esli oýlap, sowan çaýyny*

*owurtlandan soň, dostuna sowal berdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Çak etmek, çaklamak, güman etmek. *Şol arzuwyma ýetdim diýip oýlady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Oýlap tapmak** döredijilikli işläp, täze bir zat döretmek, oýlap çykarmak, täzelik girizmek.

**OÝLAMAKLYK** [o:ýlomokluk], *iş ady.* Oýlamak ýagdaýy.

**OÝLANDYRMAK** [o:ýlonnurmok], *işl.* Birini oýlanmaga mejbur etmek, oýa batyrmak. *Şol çakylyk ony, elbetde, oýlandyrypdy* (B. Kerbabaýew).

**OÝLANJYRAMAK** [o:ýlonjuromok], *işl.* Oýlanyp sagynyp durmak, ýaýdanyp durmak. *Myhman oýlanjyrap biraz durdy.*

**OÝLANMA** [o:ýlonmo], *iş ady.* **1**. Oýlanmak ýagdaýy. **2**. Kyssa bilen ýazylan şygyr. *Liriki oýlanma.*

**OÝLANMAK** [o:ýlonmok], *işl.* Öz ýanyňdan bir zat hakynda pikirlenmek, pikir ýöretmek, bir zadyň pikirini etmek (*ser.* **Oýlamak 1**.)

**OÝLANMAKLYK** [o:ýlonmokluk], *iş ady.* Oýlanmak ýagdaýy.

**OÝLANYBERMEK** [o:ýlonuvermek], *işl.* Pikir edibermek, oýuňda aýlabermek, pikirlenibermek.

**OÝLANYLMAK** [o:ýlonulmok], *işl.* Pikir edilmek, oý edilmek.

**OÝLANYŞ** [o:ýlonuş], *iş ady.* Oýlanmak ýagdaýy. *Bu sowal welin oýlanyşa-da, agtaryşa-da, gözlege-de mätäç däl* ("Edebiýat we sungat").

**OÝLANYŞMAK** [o:ýlonuşmok], *işl.* **1**. Birnäçe bolup oýlanmak. *Olar etmeli işleri hakynda oýlanyşyp otyrdylar.* **2**. Birsellem oýlap, ölçerip görmek. *Seniň eden teklibiň hakynda az-kem oýlanyşyp göreýin*.

**OÝLANYŞYKLY** [o:ýlonşukly], *syp.* Oýlanylyp ölçerilen, mazaly we hertaraplaýyn pikirlenilen. *Oýlanyşykly hereket etmek.*

**OÝLANYŞYKLYLYK** [o:ýlonşukluluk], *at.* Oýlanyp ölçerilen, pikirlenilen ýagdaýda bolmaklyk.

**OÝLANYŞYKSYZ** [o:ýlonşuksuz], *hal.* Oýlanylyp ölçerilmedik, hertaraplaýyn pikirlenilmedik.

**OÝLANYŞYLMAK** [o:ýlonşulmok], *işl., ser.* **Oýlanyşmak**.

**OÝLAP-ÇENLEMEK** [o:ýla:p-çenlemek], *işl.* Jikme-jigine çenli oýlanyp, pikirlenip görmek. *Ol näme etmelidigini oýlap-çenläp kän pikir etdi.*

**OÝLAÝYŞ** [o:ýloýuş], *iş ady.* Oýlamak ýagdaýy.

**OÝLUK** [o:ýluk] **I**, *at.* Oý ýer, pes ýer, çöket ýer, peslik, çöketlik. *Onýança bir belentlige çykanymyzda, aşakda günüň şöhlesi düşüp, agaryp ýatan bir oýluga gözüm düşdi* (Ş. Borjakow).

**OÝLUK** [o:ýluk] **II**, *at.* Çopan-çoluklaryň sowukdan goranmak üçin egne atynýan, keçeden edilen ýapynjasy. *Ol çadyryň içinde çopanlaryň oýlugyna girip gyşaryp uklapdyr* (A. Gowşudow).

**OÝLUKMAK** [o:ýlukmok], *işl.* Bir zatdan çekinýän ýaly üşerilmek, çeke durmak. *Gapyda oýlugyp durma-da, giriber.*

**OÝMA** [o:ýmo], *iş ady.* Oýmak ýagdaýy.

**OÝMAK** [o:ýmok] **I**, *işl.* **1**. Gazyp, köwüp çukur etmek, oýuk etmek.

**OÝMAK** [o:ýmok], *at.* Tikin tikilende iňňe barmaga çümmez ýaly, süýem barmaga geýdirilýän metal esbap, enjam. *Körpe gelin otursyn, eline oýmak ötürsin* (Halk döredijiliginden).

**OÝMUDYKLABERMEK** [oýmudukla:vermek], *işl.* Oýmudyklap ugramak.

**OÝMUDYKLAMAK** [oýmuduklomok], *işl., ser.* **Oýmuldamak**. *Düýe derrew oýmudyklap, çökmek bilen boldy* (H. Ysmaýylow).

**OÝMUDYKLAŞMAK** [oýmudukloşmok], *işl.* Birnäçe bolup oýmudyklamak. *Oýmudyklaşyp ýöräp gitmek.*

**OÝMULDABERMEK** [oýmulla:vermek], *işl.* Oýmul-oýmul edip ýöräbermek, oýmudyklabermek.

**OÝMULDAMA** [oýmullomo], *iş ady.* Oýmuldamak ýagdaýy.

**OÝMULDAMAK** [oýmullomok], *işl.* Oýmul-oýmul edip ýöremek, oýmudyklap, çaýkanjyrap hereket etmek (*ser*. **Moýmuldamak**). *Oýmuldap bardy-da, aýnanyň akja tutusyny birýana syryp, jyklap, daşaryk seretdi* (N. Pomma).

**OÝMULDAMAKLYK** [oýmullomokluk], *iş ady.* Oýmuldamak ýagdaýy.

**OÝMULDAŞMAK** [oýmulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup oýmuldamak (*ser*. **Moýmuldaşmak**). *Semiz-semiz gazlar oýmuldaşyp ýör* ("Edebiýat we sungat").

**OÝMULDAÝYŞ** [oýmulloýuş], *iş ady.* Oýmuldamak ýagdaýy.

**OÝMUL-OÝMUL: oýmul-oýmul etmek** *ser.* **Oýmuldamak**. *Ol edil ördek ýaly, petekesini gaýşardyp, oýmul-oýmul edip, gaýynymyň öýüne girdi* (A. Durdyýew).

**OÝMUR-OÝMUR** [o:ýmur-o:ýmur], *at.* Oý bolup duran, oýulyp duran, çukanak-çukanak bolup duran. *Keçeleriň-de haýsy döwrüňkidigi mälim bolman, diňe oýmur-oýmur deşikleri, tüýjeren ýüňleri saýgarylýardy* (B. Kerbabaýew).

**OÝNABERMEK** [oýna:vermek], *işl.* Oýnap ugramak; oýnamagy dowam etdirmek. *Çagalar, topuňyzy şu giňçilikde oýnaberiň*.

**OÝNAG** [oýnoğ], *at.* **1**. Edilýän iş, pişe, iş salşylýan hünär. *Şondan soň meniň-ä oýnagym gyjak boldy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Güýmenje, oýnalýan zat. *Elenen ak çäge bolsun oýnagyň* (Aýdym). **3**. *göç.m.*Oýnalyp ýörlen, oýnatga öwrülen adam, çaga. *Olaryň oýnaglary men boldum*

**OÝNAKLADYBERMEK** [oýnokloduvermek], *işl.* Gözüni her hili hereketler etdirip oýnadybermek, gözüňi oýnadyp, yşarat etmek.

**OÝNAKLAMA** [oýnoklomo], *iş ady.* Oýnaklamak ýagdaýy.

**OÝNAKLAMAK** [oýnoklomok], *işl.* **1**. Her hili oýunlar edip bökjekläp durmak, oýun etmek. *Ýaby wagtal-wagtal oýnaklap, öňňürdikläp barýardy.* **2**. Çalt hereket etmek, möwç alyp hereket etmek. *Tolkunlar yzly-yzyna oýnaklap, düýrlenip kenara gelýär.* **3**. *göç.m.* Eýläk-beýläk hereket edip durmak,

her tarapa hereket etmek (göz hakynda). *Onuň gözleri şatlyk bilen oýnaklaýardy.*

**OÝNAKLAŞMAK** [oýnokloşmok], *işl.* Birnäçe bolup, köpçülikleýin, bilelikde oýnaklamak. *Owadan tohum atlar boýunlaryny talawladyşyp, kellelerini dik tutuşyp, oýnaklaşyp barýardylar* (A. Gowşudow).

**OÝNAKLATMAK** [oýnoklotmok], *işl.* **1**. Her hili hereketler etdirmek, bökjekletmek, oýunlar etdirmek. *Ýaşajyk taýçanagy oýnaklatmak.* **2**. Eýläk-beýläk hereket etdirmek, her tarapa aýlamak. *Gözlerini mekirlik bilen oýnakladyp, oňa ýiti-ýiti garady* (G. Kulyýew).

**OÝNAKLAÝYŞ** [oýnokloýuş], *iş ady.* Oýnaklamak ýagdaýy.

**OÝNALMAK** [oýnolmok], *işl.* **1**. Oýun geçirilmek; sahnada goýulmak, ýerine ýetirilmek. *Bu oýun köp gezek oýnaldy.* **2**. Birine deglip, üstünden gülünmek. *Öz oýnalandygyna jany ýansa-da, ony bilmezlige saldy* ("Edebiýat we sungat").

**OÝNAM** [oýnom], *san.* **1**. Dört. *Aklym alan şol gaýtarma, Ini-boýy oýnam sere, Tilki baýyň keýwanysyn, Aýlap-aýlap çaldy ýere* (K. Gurbannepesow). **2**. Dört sany. *Oýnam çaga. Oýnam aşyk.*

◊ **Iki oýnam** sekiz, sekiz sany. *Iki oýnam pişme.*

**OÝNAMA** [oýnomo], *iş ady.* Oýnamak ýagdaýy, hereketi.

**OÝNAMAK** [oýnomok], *işl.* **1**. Her hili oýun bilen meşgullanmak. *Ýaňyja oýnap ýadadyk-da, goýry kölegede bir salym seleňläýin diýip otyryn* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir roly ýerine ýetirmek. *Artistleriniň oýnaýan rollary.* **3**. Birine degip, bälçiräp üstünden gülmek, birini aldap,oýnap gülüşmek. *Näme, adamyny oýnajak bolýarmyň? – diýip, Suhan gaty gaharlandy* (H. Derýaýew). **4**. Eýläk-beýläk hereket etmek, iki-baka garamak (göz hakynda). *Wepa entek kiçijikdi, onuň gözleri oýnap durýardy* (A. Gowşudow). **5**. *sport.* Lotereýa we ş.m. oýunlara gatnaşmak.

**OÝNAMAKLYK** [oýnomokluk], *iş ady.* Oýnamak ýagdaýy.

**OÝNAMLAMA** [oýnomlomo], *iş ady.* Oýnamlamak ýagdaýy.

**OÝNAMLAMAK** [oýnomlomok], *işl.* Oýnam bilen sanamak, ölçemek, oýnam-oýnam edip sanamak, dört-dörtden sanamak.

**OÝNAMLAMAKLYK** [oýnomlomokluk], *iş ady.* Oýnamlamak ýagdaýy.

**OÝNAMLANMAK** [oýnomlonmok], *işl.* Oýnamlap sanalmak**.**.

**OÝNAMLATMAK** [oýnomlotmok], *işl.* Oýnamlap sanatmak. *Aşyklary oýnamladypsanatmak*

**OÝNAMLAÝYŞ** [oýnomloýuş], *iş ady.* Oýnamlamak ýagdaýy.

**OÝNAŞ** [oýnoş], *at.* Aýal bilen nikasyz ýaşaýan erkek adam ýa-da erkek bilen nikasyz ýaşaýan aýal.

**OÝNAŞDYRMAK** [oýnoşdurmok], *işl.* Eliňe alyp oýnap oturmak. *Artyk Aýnanyň zülmaýy barmaklaryny oýnaşdyryp, haşylaşyp dem aldylar* (B. Kerbabaýew).

**OÝNAŞLYK** [oýnoşluk], *at.* Oýnaş bolmaklyk, oýnaşyň ýagdaýy, pişesi.

**OÝNAŞMAK** [oýnoşmok], *işl.* Köp bolup oýnap ýörmek. *Belent çynarlaryň öňüne üýşüp, Şadyýan çagalar oýnaşyp ýörler* (A. Atajanow).

**OÝNATGY** [oýnotgy], *syp.* Özüni oýnadyp ýören, üstünden gülünýän, oýnalýan adam. *Saňa oýnatgy akmak diýerler* (A. Gowşudow). *Toba tagsyr, sen-ä oýna-çyna düşünmeýän tüýs bir oýnatgy ekeniň* (N. Pomma).

**OÝNATGYLYK** [oýnotguluk], *at.* Oýnatgy bolmaklyk, oýnatgynyň ýagdaýy, bolşy.

**OÝNATMAK** [oýnotmok], *işl.* **1**. Oýna güýmemek, oýun etdirmek, oýnamaga mümkinçilik bermek. *Bir pyýada at üstünde çagajygyny oýnadyp, onuň eýjejik ýüzüni mähir bilen synlaýardy* (G. Kulyýew). **2**. Bir zady hereket etdirmek. *Garry bagşy barmaklaryny näçe oýnatdygyça, mukam şonça ýakymly ýaňlanýar* (A. Gowşudow).**3**. Üstüňden güldürmek. *Men özümi oýnadýan däldirin.*

**OÝNAWAÇ** [oýnowa:ç], *at.* **1**. Çagalar oýnamak üçin ýasalan gurjak we ş.m. her dürli zatlar. *Dürli oýnawaçlar oýnap öz-özi, Käte bir zat diýip kesýärdi sözi* (A. Kekilow). **2**. *göç.m.* Başga biriniň erki boýunça hereket edýän adam, oýnatgy adam. *Meni oýnawaç hasaplaýarmyka?* (A. Nazarow).

**OÝNAÝYŞ** [oýnoýuş], *iş ady.* Oýnamak ýagdaýy.

**OÝ-PIKIR** [o:ý-pikir], *at.* Pikir, paýhas, küý, paýhaslanyş; oý-hyýal. *Berdi şol oturan ýerinden ullakan oý-pikire gitdi* (H. Derýaýew).

**OÝTAK** [o:ýtok], *syp.* **1**. Birneme pesräk, oýrak, çökedräk (ýer hakynda). *Myrat öz güjügini iň soňunda gür ýandagyň içindäki oýtak bir ýerden tapdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *at.*Sil, ýagyş suwy bilen doldurylyp, tagta gelensoň sürlüp, düme gawun ekilýän oý ýer. *Oýtak gawuny süýji bolýar.*

**OÝTAKLYK** [o:ýtokluk], *at, ser.* **Oýtak** **2**.

**OÝTARMA** [o:ýtormo], *iş ady.* Oýtarmak ýagdaýy.

**OÝTARMAK** [o:ýtormok], *işl.* **1**. Oý bolup durmak, pesräk, çukurrak bolup durmak. **2**. *göç.m.* Üşerilmek, töweregiňe diň salyp, ýaltak-ýultak etmek, garanjaklamak, oýturaklamak (*ser.* **Oýlukmak**).

**OÝTARMAKLYK** [o:ýtormokluk], *iş ady.* Oýtarmak ýagdaýy.

**OÝTARYBERMEK** [o:ýtoruvermek], *işl.* Oý bolup, oýulyp başlamak.

**OÝTARYŞ** [o:ýtoruş], *iş ady.* Oýtarmak ýagdaýy.

**OÝTARYŞMAK** [o:ýtoruşmok], *işl.***1**. Oý bolup galmak, pesräk, çukurrak bolup galmak. *Çopan çatmalarynyň ýerleri oýtaryşyp galypdyr* (K. Berdiýew). **2**. *göç.m.* Bilelikde oýtarmak.

**OÝTUM** [o:ýtum], *at.* Pes, oý ýer, çukur ýer. *Dagyň gamyşly-gargyly çygjaryp görünýän topbak çöpli oýtumynda suw bar bolmaga çemeli* (B. Soltannyýazow).

**OÝTURAKLAMA** [o:ýturaklama], *iş ady.* Oýturaklamak ýagdaýy.

**OÝTURAKLAMAK** [o:ýturaklamak], *işl., ser.* **Oýtarmak 2**. *Ol ýanyma gelensoň, golaýrakda oýturaklap durdy.*

**OÝTURAKLAŞMAK** [o:ýturaklaşmak], *işl., ser.* **Oýtaryşmak 2**. *Aýal-gyzlar hem ony görenlerinde oýturaklaşyp geçýärler* (N. Pomma).

**OÝTURAKLAÝYŞ** [o:ýturaklaýyş], *iş ady.* Oýturaklamak ýagdaýy.

**OÝUK** [o:ýuk], *syp.***1**. Oý edilen, oýulan, gazylan; oý, çöket (ýer). *Oýuklary gum döküp düzlemek.* **2**. Deşik emele gelen, ullakan deşigi bolan, deşik, ýyrtyk. *Ortasy oýuk keçe.*

**OÝUK-OÝUK** [o:ýug-o:ýuk], *syp.* **1**. Köp sanda oýy, oýugy bolan, köp oýukly. **2**. Deşik-deşik, köp ýerinde ýyrtygy, deşigi bolan. *Gurçuklar ýapraklary oýuk-oýuk edip iýipdirler.*

**OÝULMAK** [o:ýulmok], *işl.* Oý bolmak, oý emele gelmek. *Olar gaýdyp ýürekden-ýatdan çykmaýar, oýulyp daşa ýazylan gadymy hatlar kimi ömürlik galýar* (A. Atajanow).

**OÝULYBERMEK** [o:ýuluvermek], *işl.* Oý bolup başlamak, oý emele gelip başlamak.

**OÝUN**,*at.* **1.** Adamlaryň aýratyn tertipde, düzgünde boş wagtlary iki tarap ýa-da köpçülik bolup guryan tomaşalary. *"Kim bilmeşek", "Wellem-şaha" oýnunda, Guw kimin ýüzüşiň ýadyma düşdi* (A. Kowusow). **2**. Sahnada oýnalýan tomaşa, spektakl. *Olaryň köpüsi ol oýny telim sapar gaýtalap-gaýtalap görüpdiler* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Degişme, bälçireşme. *Oýun bir, maza iki* (Nakyl). **4**. Belli bir maksady arap, bilkastdan guralýan hileli hereketler, pyrryldaklar, betpäl pirimler.

◊ **Oýnuň deň gelmezlik** iş salyşýan, baş dalaşjak bolýan adamyň özüňden ökde çykmak. *Üstün çykaryn öýdüp, onuň bilen gidişme, oýnuň deň gelmez*. **Oýun etmek** birine çynyň bilen däl-de, ýalandan bir zat etmek, degişmek üçin bir zat diýmek.*Oýun etse, ogly ýeňer, çynyrgatsa – atasy* (Nakyl). **Oýun görkezmek** başyna itiň gününi salmak, her hili aldawlara duçar etmek, her hili pyrryldaklar etmek, başyny aýlamak. *Indi biz Nyşapur patyşasynyň eden emelinden ökderäk oýun görkezäýmesek, onuň dişinde et galar-da, birsyhly üstümize sürner durar* ("Görogly"). **Oýun götermek** degişmede gaty görmezlik, oýna çydamak, oýna-çyna düşünmek. **Oýun salmak** *ser.* **Baş**. **Oýun turuzmak** *ser.* **Oýun görkezmek**. **Oýunlyga salmak** degişmä salyp, diýjegiňi diýmek, oýun eden bolup, aýtjak zadyňy aýtmak

**OÝUNBAZ** [oýunma:z], *at, ser.* **Oýunçy**.

**OÝUNBAZLYK** [oýunma:zlyk], *at.* Bälçiklik, degişgenlik, alçaklyk.

**OÝUNÇY**, *at.* **1**. Oýun oýnaýjy, oýna gatnaşyjy. *Oýunçy utulanyny bilse ýagşy* (Nakyl). **2**. *syp.* Bälçik, degişgen, alçak, şoh, oýunbaz.

◊ **Oýunçy utulanyny bilse ýagşy** döwüň pesdigine düşünmek, ýeňlenligiňi boýun almak.

**OÝUN-ÇYN**,*at.* Oýundan ýa-da çyndan aýdylýan söz, edilýän hereket. *Ol oýna-çyna düşünýän ýigitdir. Onuň oýnuny-çynyny bilip bolmaz.*

**OÝUNDAN-ÇYNDAN** [oýunnon-çynnan], *hal.* Oýunlyga salyp ýa-da çynyň bilen, hiç haçan, hiç hili ýagdaýda. *Oýundan-çyndan jigiňe azar beräýme.*

**OÝUNJAK** [oýunjok], **1**. *at, ser.* **Oýnawaç**. *Onda näme bir oýunjak alsaň, ýekeje özüň oýna diýýärdiň* (B. Pürliýew). **2**. *syp., göç.m.* Aňsat, ýeňil, ýönekeý. *Ussa aga, elbetde, bu iş bir oýunjak iş däl* (A. Gowşudow).

**OÝUN-OÝUNJAK** [oýun-oýunjok], *syp., ser.* **Oýunjak 2**.*Ol öz eden işiniň oýun-oýunjak zat däldigini bilip hopukdy.*

**OÝUN-TOMAŞA** [oýun-tomoşo], *at.* Şadyýanlyk, hezillik, şadyhorramlyk. *Hany, Aman poşçy, bu gün agşam täze oýun-tomaşalar görmezmiň?* (A. Gowşudow).

**OÝURGANDYRMAK** [o:ýurğonnurmok], *işl.* Oýa çümdürmek, oýa batyrmak, pikirlendirmek.

**OÝURGANMA** [o:ýurğonmo], *iş ady.* Oýurganmak ýagdaýy.

**OÝURGANMAK** [o:ýurğonmok], *işl.* Oýa çümmek, oýa batmak, oýlanmak; pikirlenmek. *Teklip duýdansyz bolanlygy üçin ol ýerinden turup, biraz oýurgandy* (G. Ezizow).

**OÝURGANMAKLYK** [o:ýurğonmokluk], *iş ady.* Oýurganmak ýagdaýy.

**OÝURGANYBERMEK** [o:ýurğonuvermek],*işl.* Oýurganyp ugramak, oýa batybermek, pikirlenibermek.

**OÝURGANYŞ** [o:ýurğonuş], *iş ady.* Oýurganmak ýagdaýy.

**OÝUŞ** [o:ýuş], *iş ady.* Oýmak ýagdaýy.

**OÝUŞDYRMAK** [o:ýuşdurmok], *işl.* Birnäçe ýeri oýup çykmak, köwläp oýuk-oýuk etmek, gazyp çykmak. *Oýuşdyryp çykamsoň, Bir-birine sepläber* (M. Garryýew).

**OÝUŞMAK** [o:ýuşmok], *işl.* **1**. Oýmaga kömekleşmek. **2**. Bir zady bilelikde oýmak.

**OZA** [ozo], *syp., kön.s.* Çendenaşa, öte, has. *Oza saklyk – gorkaklyk* (Nakyl).

**OZAK** [ozok], *syp.* Çapyşykda, ylgaşykda, ýaryşda ozýan, hemişe öňe çykýan. *Kimiň galak, kimiň ozakdygyny ýaryş görkezer.*

**OZAKLYK** [ozokluk], *at.* Ozak bolmak ýagdaýy.

**OZAL** [ozol], *hal.* **1**. Birnäçe wagt mundan öň, öňki wagtlar. **2**. Ilki, ilki bilen, ilki başda.

**OZAL-EBET** [ozol-evet], *ha l.* Hemişe.

**OZALDAN** [ozollon], *hal.* Öňden, su wagta çenli. *Okajak bolsa, ozaldan aladasyny etmeli eken.*

**OZALKY** [ozolky], *syp.* Öň bolup geçen, owalky.

**OZALY** [ozoly]: **ozaly bilen** öňi bilen, ilki, öňürti.

**OZALYNDA** [ozolunno], *hal.* Aslynda, ilki başda, ozal başda, owal başda.

**OZAN** [ozon], *at.* Sözlerini, sazyny özi düzüp, özi ýerine ýetirýän aýdymçy, bagşy. *Ile döwlet geler bolsa, Bagşy bilen ozan geler* (Magtymguly).

**OZDURMAK** [ozzurmok], *işl.* **1**. Öňe geçirmek, öňe geçmäge ýol bermek, öňe düşürmek. *Gyzym, ol nähili beýle boldy? Bu gün özüňden ozduraýdyňmy?* (G. Gurbansähedow). **2**. *gepl.d.* Güni gelmek, diýeni bolmak, islegi amala asmak. *Ol bu wagtlar ozdurandyr, gözi ýer görmez.*

**OZMA** [ozmo], *iş ady.* Ozmak ýagdaýy.

**OZMAK** [ozmok], *işl.* Işde, ýaryşda we ş.m. ýagdaýlarda birinden öňe geçmek.

**OZMAKLYK** [ozmokluk], *iş ady.* Ozmak ýagdaýy.

**OZMAZLYK** [ozmozluk], *işl.* Öňe geçmezlik, ozup geçmezlik.

**OZUBERMEK** [ozuvermek], *işl.* Ozup başlamak, öňe saýlanybermek, öňe geçibermek.

**OZUŞ**, *iş ady.* Ozmak ýagdaýy.

**OZUŞMAK** [ozuşmok], *işl.* Biri-birinden ozmak. *Atlar kä ozuşyp, kä galyşyp, gözden ýitdiler.*

# Ö

**Ö** [ö:], Türkmen elipbiýiniň on dokuzynjy harpy.

**ÖÇ** [ö:ç], *at.* Birinde galan ar, birine bolan ahmyrly gahar-gazap duýgusy.

◊ **Öç almak** birinde köýen aryňy ýerine salmak üçin gazap bilen hereket etmek. **Öç etmek** öçli etmek. *Aralykda bir şum rakyp bar bolsa, Ýagşy dostuň bilen öç eder seni* (Magtymguly).

**ÖÇEŇKIRLEMEK** [öçöňkürlömök], *işl.* **1**. Öçmäge, sönmäge ýakynlaşmak, ýanyp gutaraňkyrlamak. *Şem öçeňkirläp başlapdyr.* **2**. Öçüp başlamak, öçmäge ýakynlamak (hat hakynda). *Kitabyň kagyzy saralyp, haty öçeňkirläpdir.* **3**. Nury, şöhlesi azalyp başlamak.

**ÖÇGÜN** [öçğün], *syp.* Şöhlesi, ýalkymy onçakly ýiti bolmadyk, ölügsi, öçügsi. *Häzir onuň gözlerinde ýigitlik çagynyň ýitiligi galmadyk bolsa hem, şöhlesi öçgün däldi* (A. Gowşudow).

**ÖÇGÜNLIK** [öçğünlük], *syp.* Ölügsi, öçügsi ýagdaý.

**ÖÇGÜNRÄK** [öçğünürä:k], *syp.* Şöhlesi, ýalkymy bolmalysyndan öçgün, ölügsiräk, öçügsiräk. *Şemiň öçgünräk şöhlesi ýylpyldap görünýärdi.*

**ÖÇLI** [ö:şlü], *syp.* **1**. Birinde ary galan, ahmyrly. **2**. Gahar-gazaply, gaharly. *Adama erjeşýän ýa-da gündizine aw aňtaýan gaplaň hökman öçli bolarmyş.*

**ÖÇLÜLIK** [ö:şlülük], *syp.* **1**. Birinde aryň, ahmyryň bar bolmagy. *Ýüregindäki hyjuwly öçlüligi basyp, özüni ýönekeý bir sypatda saklamaga jan edýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Gahar-gazaplylyk, gaharlylyk.

**ÖÇME** [öçmö], *iş ady.* Öçmek ýagdaýy. *Gyzygyp kitap okap otyrkam çyranyň öçmesi keýpimi gaçyrdy.*

**ÖÇMEK** [öçmök], *işl.* **1**. Sönüp galmak, ýanyp gutarmak, sönmek. *Çyralar bir wagt öçüpdi* (B. Pürliýew). **2**. Görünmez ýaly bolmak, süpürilip aýrylmak. *Ýazylan hat öçüpdir.* **3**. Motorynyň (hereketlendirijisiniň) işlemesi kesilip, ýatyp galmak, durmak, sönmek (ulag hakynda). *Awtobus birden öçüp galdy.* **4**. Gözüň nury, şöhlesi öçmek, peselmek. *Onuň hiç birine-de mejaly ýetmän, gözleriniň şöhlesi öçdi-de gabaklary örtülip galdy* (B. Kerbabaýew). **5**. *gepl.d.* Esasan, işligiň buýruk şekilinde ulanylyp, "geplemäňi bes et, lal bol, sesiňi kes, sem bol" ýaly manyny aňladýar. *Öç, gygyrma, aýryl, ýapyşma, gapyňy ýap!* (A. Durdyýew).

**ÖÇMEKLIK** [öçmöklük], *iş ady.* Öçmek ýagdaýy.

**ÖÇMEZ** [öçmöz], *syp.* Hiç haçan öçmeýän, hemişe ýalkymyny, nuruny saçyp duran, parlak.

**ÖÇMEZLIK** [öçmözlük], *işl.* Sönmezlik.

**ÖÇMEZ-ÝITMEZ** [öçmöz-ýitmez], *syp., ser.* **Ölmez-ýitmez**. *Öçmez-ýitmez şöhrat.*

**ÖÇÜBERMEK** [öçüvermek], *işl.* Öçüp başlamak; öçeňkirlemek. *Ojakdaky ot öçüberipdir.*

**ÖÇÜGRÄK** [öçüğrä:k], *syp.* **1**. Yşygy, şöhlesi bolmalysyndan pesräk. **2**. Reňki pesräk. *Onuň egninde öçügräk reňkli köýnegi bardy.*

**ÖÇÜGSI** [öçüğsü], *syp.* **1**. Nury, şöhlesi az bolan, çala ýşyk, ýagty berýän. *Öçügsi köz.* **2**. Soluk, solgun, reňki gaçan. *Ýapraklar adatdaky ýaly göwün göteriji ýaşyl reňkli däldi, olaryň öçügsi kül reňki bardy, soluk görünýärdi* (B. Seýtäkow).

**ÖÇÜGSILENDIRMEK** [öçüğsülönnürmök], *işl.* Ýitiligini gaçyrtmak, ähmiýetini peseltmek.

**ÖÇÜGSILENMEK** [öçüğsülönmök], *işl.* **1**. Nury, şöhlesi gaçmak, öçügsi bolmak. **2**. Ýitiligi, ähmiýeti peselmek.

**ÖÇÜGSILIK** [öçüğsülük], *at.* **1**. Nury, şöhlesi azlyk, ýagtylygy peslik. **2**. Soluklyk, solgunlyk, reňki gaçan halda bolmaklyk. *Maňa matanyň öçügsiligi ýaramady.* **3**. Ýitiligi, ähmiýeti peslik.

**ÖÇÜGSIRÄK** [öçüğsürä:k], *syp.* Nury, şöhlesi azrak, ýagtysy, ýşygy pesräk.

**ÖÇÜK**, *syp.* **1.** Öçen, sönen; ýşygy, şöhlesi ýiten. *Içki jaýdaky çyra öçük duran eken.* **2**. Reňki solgun, ýiti reňkli däl. *Bu matanyň reňki öçük.* **3**. *göç.m.* Reňki gaçan, gany giden, gan-pet galmadyk.*Onuň ozaldan öçük ýüzi öňküsinden-de agardy.*

**ÖÇÜKLIK** [öçüklük], *syp.* **1**. Öçük ýagdaýda bolmaklyk, ýşygy, şöhlesi ýiten ýagdaýda bolmaklyk. **2**. Reňki soluklyk, solgunlyk.

**ÖÇÜRIBERMEK** [öçürüvermek], *işl.* Bir ýanyndan oçürip başlamak.*Indi çyralary öçüriber.*

**ÖÇÜRILMEK** [öçürülmök], *işl.* **1**. Öçer ýaly edilmek, öçmek derejesine ýetirilmek, söndürilmek. *Çyralar öçürildi.* **2**. Bozulyp aýrylmak, üstünden çyzylmak. *Bu goşgynyň soňky iki setiri öçürilipdir.* **3**. Togtadylmak, ýatyrylmak (işläp duran ulag hakynda).

**ÖÇÜRIŞ** [öçürüş], *iş ady.* Öçürmek ýagdaýy.

**ÖÇÜRIŞDIRMEK** [öçürüşdürmök], *işl.* Ugurdaş, meňzeş zatlary bir ýanyndan yzly-yzyna öçürmek, öçürip çykmak. *Çyralary öçürişdirdim.*

**ÖÇÜRIŞMEK** [öçürüşmök], *işl.* **1**. Söndürmäge kömek etmek. *Biz Myrada ody öçürişmäge kömek*

*etdik.* **2.** Birnäçe bolup bilelikde söndürmek. *Howa ýagtylansoň, olar çyralary öçürişdirdiler.*

**ÖÇÜRME** [öçürmö],*iş ady.* Öçürmek ýagdaýy.

**ÖÇÜRMEK** [öçürmök], *iş.* **1**. Ýanyp duran zady söndürmek. *Kömek ýüzüniň ugruna ody aýagy bilen basyp öçürdi* (N. Jumaýew). **2**. Işläp duran ulagyň we ş.m. hereketini ýatyrmak, duruzmak. *Ol traktory öçürdi.***3**. Sürtüp bozmak, bozup aýyrmak (hat, ýazgy hakynda).*Ýalňyş sanlary öçürip, dogrusyny ýazaýanda näme bor?*(N. Jumaýew*).* **4**. Üstünden çyzmak, çyzyk çekmek. *Sanawda görkezilen adyny öçürmek.*

**ÖÇÜRMEKLIK** [öçürmöklük], *iş ady.* Öçürmek ýagdaýy.

**ÖÇÜRMEZLIK** [öçürmözlük], *işl.* Öçürmek işini etmezlik.

**ÖÇÜRTMEK** [öçürtmök], *işl.* Öçürmek işini başga birine etdirmek. *Ol ojakdaky ody öçürtdi. Tagtanyň ýüzündäki ýazgylary öçürtmek.*

**ÖÇÜŞ**,*iş ady.* Öçmek ýagdaýy.*Çyranyň gerekli wagty öçüşi birhili.*

**ÖÇÜŞMEK** [öçüşmök], *işl.* **1**. Dura-bara sönmek, sönüşmek, sönüp başlamak. *Meýdandaky ýanýan çyralaryň ýşygy bir-biriniň yzyndan öçüşdi* (B.Gurbanow). **2**. Nury, şöhlesi peselişmek, şöhlesiniň ýitiligi kemelişmek. *Ýyldyzlar kem-kemden öçüşip, asmanyň ýüzünden ýitýärdiler.* **3**. Güýji azalmak, täsiri ýitişmek. *Günüň howry biraz öçüşipdi.*

**ÖDELMEK** [ö:dölmök], *işl.* **1**. Bildirilen ynama, maksada laýyk iş edilmek. **2**. Çykarylan harajatyň ýeri, öwezi doldurylmak. *Biderek ýerden tama edilenok, ol ödeljegini bilip tama edýär* ("Edebiýat we sungat").

**ÖDEME** [ö:dömö], *iş ady.* Ödemek ýagdaýy. *Harytlaryň özüni ödemesine ödär weli, näme peýda görüp biljegiňi bilemok.*

**ÖDEMEK** [ö:dömök], *işl.* **1**. Ynanylan bir zada, ada we ş.m. mynasyp bolmak, islendik maksada laýyk iş etmek. *Meniň ýagşylygym sizden alan sag bolsunymy ödeýän bolsa, men gaty razy bolardym* (H. Derýaýew). **2**. Ýerini tutmak, çykan harajatyň we ş.m. öwezini doldurmak. *Kim ödäp bilmese, berilen nany, Çekelesin ony goý öz wyždany* (A. Kekilow). *Satyn alan harytlarym özüni ödärmikä ýa-da alan ýerime geçse-de oňaýmaly bolarmyka?*

**ÖDEMEKLIK** [ö:dömöklük], *iş ady.* Ödemek ýagdaýy. *Ynamy ödemeklik – bu ullakan zat. Ol seniň iş başarjaňlygyňa kepil geçýär.*

**ÖDEMEZLIK** [ö:dömözlük], *işl.* Ödäp bilmezlik.

**ÖDEŞMEK** [ö:döşmök], *işl.* Çykan harajatyň öwezini doluşmak, birnäçe bolup ödemek.

**ÖDETMEK** [ö:dötmök], *işl.* Ýerini tutdurmak, çykan harajatyň öwezini doldurtmak, ödemäge mejbur etmek. *Ol hut öz ulagynyň hem bökdençsiz işlemegini talap etdi we özüniň şol talabyny oňa ödedip bildi* (B. Gurbanow).

**ÖDEÝIŞ** [ö:döýüş], *iş ady.* Ödemek ýagdaýy.

**ÖGEME** [ö:ğömö], *iş ady.* Ögemek ýagdaýy.*Ögeme ýüregiň bulanyp, gaýtarjak bolmagyň esasy alamatlarynyň biridir.*

**ÖGEMEK** [ö:ğömök], *işl.* Ýüregiň bulanyp, gusjak, gaýtarjak bolmak.*Onuň ýüregi agdar-düňder bolup, yzly-yzyna ögedi* (Ý. Mämmediýew).

**ÖGEMEKLIK** [ö:ğömöklük], *iş ady.* Ögemek ýagdaýy.

**ÖGEŞMEK** [ö:ğöşmök], *işl.* Birnäçe adam ögemek (şol şekildäki sözüň soňundan *durmak, oturmak*, käbir ýagdaýda hem *ýörmek* kömekçi islikleri gelýär). *Ogeşip oturmak.*

**ÖGETMEK** [ö:ğötmök], *işl.* Ögemäge mejbur etmek, ögemegine sebäp bolmak.*Ýakymsyz ys adamlaryň burnuna urup, salymyny bermän ögedip başlady.*

**ÖGEÝIŞ** [ö:ğöýüş], *iş ady.* Ögemek ýagdaýy.

**ÖGÄBERMEK** [ö:ğä:vermek], *işl.* Ögäp başlamak. *Ol ýakymsyz ysa ögäberýän bolarly.*

**ÖGI** [ö:ğü], *at.* Ýüregiň bulanyp, gaýtarasyň gelmeklik, ögemek islegi peýda bolan ýagdaý.

◊ **Ögiň tutmak** ögäsiň gelmek.

**ÖJEME** [ö:jömö], *iş ady.* Öjemek ýagdaýy.

**ÖJEMEK** [ö:jömök], *işl., ser.* **Öjükmek**. *Emma aýalynyň gitdigiçe öjemegi ony ýatyrmady* (R. Gelenow).

**ÖJEŞDIRMEK** [ö:jöşdürmök], *işl., ser.* **Öjükdirmek**.

**ÖJEŞMEK** [ö:jöşmök], *işl., ser.* **Öjükmek**.

**ÖJÜGIBERMEK** [ö:jüğüvermek], *işl.* Birine ýa-da bir zada gahar-gazaby artyp, öjügip başlamak.

**ÖJÜGIŞ** [ö:jüğüş], *iş ady.* Öjükmek ýagdaýy.

**ÖJÜGIŞMEK** [ö:jüğüşmök], *işl.* Biri-biriňe öçli bolmak. *Siz hem bular bilen öjügişmäň, eger öjügişseňiz, olary özüňizden daşlaşdyrarsyňyz* (A. Durdyýew).

**ÖJÜKDIRMEK** [ö:jükdürmök], *işl.* **1**. Birini başga birine küşgürmek, biriniň garşysyna gižželemek. *Görogly köne duşmanlaryny onuň garşysyna öjükdirmegi maslahat berýär* ("Görogly"). **2**. Gaharyny getirmek.

**ÖJÜKME** [ö:jükmö], *iş ady*. Öjükmek ýagdaýy.

**ÖJÜKMEK** [ö:jükmök], *işl.* Birine ýa-da bir zada, gahar-gazabyň güýjemek, öjeşmek. *Beýle gyjytlara çydaman, Maman aglardy, joralary bolsa öjügerdiler* (T. Gurbanow).

**ÖJÜKMEKLIK** [ö:jükmöklük], *iş ady*. Öjükmek ýagdaýy.

**ÖKDE** [ökdö], *syp*. Bir käriň, işiň, oýnuň we ş.m. tärini, syryny ele alan, gowy bilýän, ussat. *Görogly ok atmaga şeýle bir ökdedi* ("Görogly"). *Mylly aga ökde sazanda bolan adam* ("Nesil").

◊ **Ökde gelmek** üstün çykmak, ýeňmek. *Aýsoltanyň oňa sussy ökde geldi* (B. Kerbabaýew).

**ÖKDELEME** [ökdölömö], iş ady. Ökdelemek ýagdaýy.

**ÖKDELEMEK** [ökdölömök], *işl.* Ökde bolmak, bir käriň, işiň, oýnuň we ş.m. tärini, syryny ele almak, bir zady gowy bilmek, ussat bolmak, türgenleşmek. *Ol oglan at münmäge örän ezber bolupdyr, birnäçe ululardan hem ökdeläpdir* (A. Gowşudow).

**ÖKDELEMEKLIK** [ökdölömöklük], *iş ady*. Ökdelemek ýagdaýy.

**ÖKDELEMEZLIK** [ökdölömözlük], *iş ady.* Bir käriň, işiň, oýnuň we ş.m. tärini, syryny ele alyp bilmezlik.

**ÖKDELEŞMEK** [ökdölöşmök], *işl.* Birneme ökdelemek, bir käriň, işiň, oýnuň we ş.m. tärini, syryny ele alyp başlamak, gowy bilip başlamak, türgenleşip başlamak. *Ol şeýdip, keşde çekmäge ökdeleşip gitdi.*

**ÖKDELETMEK** [ökdölötmök], *işl.* Biriniň bir käre, işe, okuwa, oýna ökdeläp gitmegine kömek etmek, tärini, syryny ele aldyrmak.

**ÖKDELEÝIŞ** [ökdölöýüş], *iş ady.* Ökdelemek ýagdaýy.

**ÖKDELÄBERMEK** [ökdölävermek], *işl.* Bir käre, işe, oýna ökdeläp başlamak, tärini, syryny ele alyp ugramak. *Ol kem-kemden işine ökdeläberdi.*

**ÖKDELIK** [ökdölük], *at.* Ökde bolmaklyk, gowy bilijilik, türgenlik, ussatlyk.

**ÖKDEM** [ökdöm], *syp.* Tekepbir, rüstem. *Ökdem ýürek ganly eder* (Nakyl).

**ÖKDEMSIREMEK** [ökdömsürömök], *işl., ser.***Ökdesiremek**.

**ÖKDESIREMEK** [ökdösürömök], *işl.* Ilden ökde bolan bolmak, özüňi esassyz ýere ökde saýmak.

**ÖKJE** [ökjö] **I**, *at.* **1**. Dabanyň yzky tarapy, dabanyň topukdan aşaky etlek, ýumşak bölegi. *Bir ýodada ökjämi tiken sypjyrdy diýip, men indi başga ýollary terk edäýmelimi?* (B. Kerbabaýew). **2**. Aýakgabyň yz tarapyny beýgeltmek üçin onuň aşagyna berkidilýän teletin ýa-da rezin bölekleri. *Men ýaş wagtymda oňat eşikler we ökjesi beýik köwüşler geýip işe giderdim* (N. Pomma). *Ädigiň ökjesine nal kakdyrdym.*

◊ **Ökje götermek** gaçyp gitmek, aýagaldygyna gaçmak. *Çory şol ýerden yzyna bakan ökjäni göterdi* ("Nejep oglan"). **Ökje ogurlamak** birinden ýörite yza galyp başlamak, ýuwaş-ýuwaşdan yza galmak. *Wüşi kel ädim ätmegini haýalladyp, ökje ogurlamaga jan edýär* (A. Gowşudow).**Ökjesine düşmek (münmek)** yzyndan kowalamak. **Ökjesine sabyn urmak** eglenmezlik. **Ökje sydyrtmak** biriniň yzyndan galman ýöremek. **Ökjesi ýeňlemek 1)** çalt ýöremek, çalasyn hereket etmek. **2**) aýak üstünde gezip ýörkä şähdi açyk görünmek, keýpi kökelmek. *Onuň ökjesi ýeňläpdir, bir gowulygyň üstünden bardymyka diýýän*. **Ökjesi ýere degmezlik (ilmezlik)** bir zada begenip, şadyýan bolmaklyk, çalasyn hereket etmeklik.

**ÖKJE** [ökjö] **II**, *at.* Gazy-haşar işiniň gutaran ýeri, aýagujy.

**ÖKMEK** [ökmök], *at, zergärç.* Aýallaryň gursagyna dakynýan şaý-sepi.

**ÖKÜNÇ**, *at.* Edilen iş, hereket üçin çekilýän ahmyr, puşman, bildirilýän gynanç. *Olaryň kimsi ökünç bilen, kimsi gahar bilen biri-biriniň ýüzlerine seredişdiler* (Ý. Mämmediýew).

**ÖKÜNÇLI** [ökünüşlü], *syp.* Ahmyrly, puşman edijilikli. *Ussanyň sesi ökünçli çykdy* (H. Garabaýew).

**ÖKÜNÇLILIK** [ökünüşlülük], *at.* Ahmyrlylyk, puşman edijilik.

**ÖKÜNDIRMEK** [ökünnürmök], *işl.* Birini eden nädogry hereketi, işi üçin ökünmäge mejbur etmek, ahmyr etdirmek.

**ÖKÜNIBERMEK** [ökünüvermek], *işl.* Edilen nädogry iş, hereket üçin ökünip başlamak, ahmyr edibermek, puşman edip başlamak.

**ÖKÜNILMEK** [ökünülmök], *işl.* Nädogry edilen işe, herekete puşman edilmek. *Inim, indi näler ökünilýändir, yzyndan ýetip bilemok* (A. Durdyýew).

**ÖKÜNIŞ** [ökünüş], *iş ady.* Ökünmek ýagdaýy. *Eden ýalňyş işine onuň ökünişi ýaly ökünene gabat gelmändim.*

**ÖKÜNIŞMEK** [ökünüşmök], *işl.* Nädogry edilen işe, herekete birnäçe bolup ökünmek, puşman etmek.

**ÖKÜNME** [ökünmö], *iş ady.* Ökünmek ýagdaýy. *Ökünme näme işlesin, ol-a özüni günäkärdirinem öýdenok.*

**ÖKÜNMEK** [ökünmök], *işl.* Nädogry eden işiň, hereketiň üçin ahmyr, puşman etmek, gynanmak. *Men ulagsyz gaýdanyma ökünýän* (G. Kulyýew).

**ÖKÜNMEKLIK** [ökünmöklük], *iş ady.* Ökünmek ýagdaýy.

**ÖKÜNMEZLIK** [ökünmözlük], *iş ady.* Eden işiň, hereketiň üçin ahmyr çekmezlik, puşman etmezlik, gynanmazlyk.

**ÖKÜZ**, *at.* Iri şahly gara malyň erkegi. *Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer* (Nakyl). *Ýatan öküze iým ýok* (Nakyl).

◊ **Öküz ýaly** irimçik, tagaşyksyz, gödek adama igenç, teýene hökmünde aýdylýan söz.

**ÖKÜZÇE** [öküzçö], *at.* Iki ýaşar öküz, iki ýaşyndaky öküz. *Gurplurak adamlar tapdygyndan gatanç diýip, kimsi dowar, kimsi öküzçe eltdiler* ("Görogly").

**ÖKÜZGÖZ** [öküzğöz], *at, asman j.* Ýarygijeler dogýan iki sany meňzeş ýyldyz.

**ÖL** [ö:l], *syp.* **1**. Tutuşlygyna yzgar çeken, suwy sarykmadyk, gury däl. *Ol düýn-öňki kesilen öl üzüm çybyklaryny ýandak bilen garyp, gazanyň aşagyna dykýardy* (A. Gowşudow). *Öl ýer. Öl odun. Öl eşik.* **2**. *göç.m.* Iýmit, ýyly nahar, suw. *Garraňda bogazyňa öl damdyrjak perzent gerek.*

◊ **Öl etmek** bir zada öl degirmek. *Kitabyňy öl edipsiň.* **Bokurdagyndan öl ötmezlik (geçmezlik)** hiç zat iýip bilmezlik. **Bokurdagyndan öl ötmeýän ýaly** hiç zat iýip-içmeýän ýaly (gaty hor adama aýdylýar). *Ol bokurdagyndan öl ötmeýän ýaly, gaty hor görünýär.*

**ÖLÇEG** [ölçöğ], *at.* **1**. Bir zadyň ululyk-kiçilik möçberi. *Şol ýeriň özünde-de ussa biziň ölçegimizi ýazyp alyp, sargydymyzy kabul etdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zadyň agyrlyk-ýeňillik derejesi, mukdary. *Agyrlyk ölçegi.* **3**. Bir zadyň sygymy, göwrümi; gabarasy. **4**. *edeb.* Şygyr setirleriniň, onuň

bogun sanynyň möçberini kesgitleýän birlik. **5**. Çen, çak, çäk. *Herki zadyň ölçegi ýagşy* (A. Gowşudow).

◊ **Ölçegi özi bilen** ölen adamyň boý-syraty, akyl-paýhasy diri gezip ýören adam bilen deňeşdirilen ýagdaýynda gulagy saňladylandygy üçin ondan ötünç soramak manysynda aýdylýan söz (*ser*. **Gulak: gulagy göründen ýaňa**).

**ÖLÇEGAGAÇ** [ölçöğağaç], *at*. Ýer ölçemekde ulanylýan esbap, atanak.

**ÖLÇEGDEŞ** [ölçöğdöş], *syp*. Ölçegi deň bolan, bir ölçegde bolan, ölçegi boýunça bir-birine deň gelýän.

**ÖLÇEGDEŞLIK** [ölçöğdöşlük], *at*. Ölçegdeş bolmaklyk, bir ölçegde bolmaklyk, ölçegi boýunça biri-birine laýyk gelmeklik.

**ÖLÇEGIÇ** [ölçöğüç], *at*. Tizligi ölçemek üçin gural, ölçeýji enjam.

**ÖLÇEGLI** [ölçöğlü], *syp*. **1**. Belli ölçegi bar bolan, ölçegi kesgitlenen. *Ölçegli mata.* **2**. Çäkli. *Biziň wagtymyz ölçegli.*

**ÖLÇEGLIJE** [ölçöğlüjö], *syp*. Sähelçe, azajyk, çäklije. *Şonuň üçin, oglanlaryň hukuklarynyň serhedi bolman, gyzlaryňky örän ölçeglijedi* (B. Kerbabaýew).

**ÖLÇEGLILIK** [ölçöğlülük], *at*. **1**. Belli ölçegi bar bolmaklyk, ölçegi kesgitlenen ýagdaýda bolmaklyk, ölçegi barlyk. **2**. Çäklilik. *Wagtymyň ölçegliligi bilenem öwrenişip gidipdirin.*

**ÖLÇEGSIZ** [ölçöğsüz], *syp*. **1**. Belli ölçegi bolmadyk, ölçegi kesgitlenmedik. *Ölçegsiz baýlyk.* **2**. Çendenaşa güýçli, çensiz-çaksyz, çäksiz. *Meniň diýenim bolýan bolsa, siziň ýüregiňizde meni söýmäge ölçegsiz söýgi dörederdim* (H. Derýaýew).

**ÖLÇEGSIZLIK** [ölçöğsüzlük], *syp*. Belli ölçegi bolmazlyk, ölçegsiz bolmaklyk, ölçegi ýokluk, ölçegli dällik.

**ÖLÇELIP-BIÇILMEK** [ölçölüp-biçilmek], *işl*. Hertaraplaýyn pikirlenilip, oýlanylyp görülmek, öňli-soňly ölçerilip görülmek.

**ÖLÇELMEK** [ölçölmök], *işl*. Bir zadyň gabarasy, agramy, uzynlygy kesgitlenmek.

**ÖLÇEME** [ölçömö], *iş ady*. Ölçemek ýagdaýy.

**ÖLÇEMEK** [ölçömök], *işl*. **1**. Ölçegini almak, agramyny, gabarasyny, uzynlygyny we ş.m. kesgitläp bilmek, çekmek. *Onuň agramyny ölçemäge şu älemiň daglarynyň daşlary-da ýetmejek ýalydy* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m*. Bir zat hakynda pikirlenip, oýlanyp görmek, kelläňde aýlap görmek. *Men bir düzme ýazdym durmuş barada, Gymmatyn ölçemek wezipäň seniň* (G. Ezizow).

**ÖLÇEMEKLIK** [ölçömöklük], *iş ady*. Ölçemek ýagdaýy.

**ÖLÇEMEZLIK** [ölçömözlük], *işl*. Bir zadyň agramyny çekip görmezlik, uzynlygyny uzynlyk ölçeg birliginiň kömegi bilen kesgitlemezlik.

**ÖLÇENMEK** [ölçönmök], *işl*. **1**. Özi üçin ölçemek, ölçäp almak. *Duran top matanyň ujundan özüme iki köýneklik ölçendim.* **2**. *ser*. **Ölçelmek**. *Her bir sahna oýunlary döredijilik işiniň gymmaty bilen ölçenýän bolsa gerek.*

**ÖLÇERIBERMEK** [ölçörüvermek], *işl*. Ölçerip ugramak (*ölçermek* sözüniň 1-nji we 2-nji manylary boýunça).

**ÖLÇERILMEK** [ölçörülmök], *işl*. **1**. Çala ýanýan agaç bölekleri kesewi bilen gorsalyp, gowy ýanar ýaly edilmek. *Ot gowy ýanyp bolandan soň, onuň közi bir ýerik ölçerildi* (B. Annageldiýew). **2**. *göç.m*. Derdiň täzelenmek. **3**. *göç.m*. Bir zady hyýalyňda saldarlap ölçäp-biçmek. *Ähli işler ölçerilip görülýärdi.*

**ÖLÇERIP-DÖKMEK** [ölçörüp-dökmök], *işl*. Pikirlenip, oýlanyp görmek, bir meseläniň aňyrsyna-bärsine göz ýetirjek bolmak.

**ÖLÇERIŞ** [ölçörüş], *iş ady*. Ölçermek ýagdaýy.

**ÖLÇERIŞMEK** [ölçörüşmök], *işl*. **1**. Ölçermäge kömek etmek. *Gyzym, ody ölçermäni bilmeseň, getir, men ölçerişeýin.* **2**. Birnäçe bolup, birnäçe ýerde ölçermek. *Toýuň naharyny bişirýän naharçylar atarylgy gazanlaryň aşagynyň oduny ölçerişip ýördüler.*

**ÖLÇERME** [ölçörmö], *iş ady*. Ölçermek ýagdaýy.

**ÖLÇERMEK** [ölçörmök], *işl*. **1**. Gowy ýanmagy üçin ody gozgaşdyrmak, çala ýanýan agaç böleklerini gowy ýanar ýaly etmek. *Bireýýäm nowany suwdan dolduryp goýan Ýazly çoluk gaýnamy synyşan tüňçeleriniň oduny ölçerdi* (B. Gurbanow). **2.** *göç. m., ser*. **Ölçemek 2**. *Görogly öz içinden bir salym ölçerdi, dönderdi, ugur tapmady* ("Görogly"). *Ýoldaşlary dürli tarapdan ölçerip, iň soňunda oňladylar* (H. Derýaýew).

**ÖLÇERMEKLIK** [ölçörmöklük], *iş ady*. Ölçermek ýagdaýy. *Adamyň derdini täzeläp, oduny ölçermeklig-ä gowy däl.*

**ÖLÇERMEZLIK** [ölçörmözlük], *iş ady*. Ölçermek işi ýerine ýetirilmezlik.

**ÖLÇERTMEK** [ölçörtmök], *işl*. Ölçermek işini başga birine etdirmek.

**ÖLÇEŞMEK** [ölçöşmök], *işl*. **1**. Ölçemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde ölçemek. *Olar mellek ýerelerini ölçeşip ýördüler.*

**ÖLÇETMEK** [ölçötmök], *işl*. **1**. Ölçemek işini başga birine etdirmek. *Jaýyň düýbi tutuljak ýeri ussalara ölçetmek.* **2**. Ölçemäge mümkinçilik bermek. *Razy bolmazmyka diýýärdim weli, olam depen ýerlerini ölçetdi.*

**ÖLÇEÝJI** [ölçöýjü], *at*. Bir zady ölçemek bilen meşgullanýan adam. *Edarada bar bolan kärleriň atlaryny birin-birin sanaşdyryp çykdy: operator, ölçeýji, elektrik bilen kebşirleýji* (Ş. Borjakow).

**ÖLÇEÝIŞ** [ölçöýüş], *iş ady*. Ölçemek ýagdaýy. *Ölçeýşiň-ä bolanok.*

**ÖLÇÄBERMEK** [ölçä:vermek], *işl*. Ölçäp başlamak.

**ÖLÇÄP-BIÇMEK** [ölçä:p-biçmek], *işl*. Hertaraplaýyn pikirlenip, oýlanyp görmek, öňli-soňly ölçerip görmek. *Ol hemme zady oýlanyp, ölçäp-biçip görenden soň, şeýle şertleri goýupdyr* (B. Seýtäkow).

**ÖLDÜREK** [öllürök], *at, ösüml.d.* Boýy 20-30 *sm* ýetýän köpýyllyk ýarym gyrymsy zäherli ösümlik.

**ÖLDÜRIBERMEK** [öllürüvermek], *işl.* Bir ýanyndan öldürip başlamak.

**ÖLDÜRILMEK** [öllürülmek], *işl.* **1**. Ýaşaýyşdan mahrum edilmek, ölüme sezewar edilmek. **2**. Mal soýulmak. *Daşarda bolsa söwüş öldürilýärdi, gazanlar atarylýardy* (A. Gowşudow).

**ÖLDÜRIŞ** [öllürüş], *iş ady.* Öldürmek ýagdaýy.

**ÖLDÜRIŞMEK** [öllürüşmök], *işl.* **1**. Öldürmäge kömek etmek. Birnäçe bolup mal soýmak. *Adamlar goýun öldürişip durdular.*

**ÖLDÜRMEK** [öllürmök], *işl.* **1**. Janyny almak, ölüme sezewar etmek, ýaşaýyşdan mahrum etmek. *Zynhar düşmäň namartlaryň goluna, Öldürseň-de nähak ganyna degmez* (Magtymguly). **2**. Mal kesmek. **3**. *göç.m.* Halys etmek, horlamak. *Meni garaşdyryp öldürdiň.*

**ÖLDÜRMEKLIK** [öllürmöklük], *iş ady.* Öldürmek ýagdaýy.

**ÖLDÜRMEZLIK** [öllürmözlük], *işl.* Janyny almazlyk, ölüme sezewar etmezlik; mal soýmazlyk.

**ÖLDÜRTMEK** [öllürtmök], *işl.* **1**. Öldürmek işini başga birine etdirmek. *Gassaba goýun öldürtmek.* **2**. Ölüme sezewar etmek, ölüme uçratmak. *Her ýetene baýtal berip, ony öldürdip bolmaz* (B. Kerbabaýew).

**ÖLEMEN** [ölömön], *syp.* Barypýatan, tüýs, bir zadyň yşgyna düşüp, ölüp-öçüp barýan. *Ol agaç ussasydy hem ölemen awçydy* (H. Ysmaýylow). *Ol aýdym-sazyň ölemen aşygydy* ("Edebiýat we sungat").

**ÖLEN** [ölön], *syp.* Hiç zat elinden gelmeýän, sansyz, nalajedeýin. *Sen-ä bir ölen ekeniň.*

**ÖLEN-ÝITEN** [ölön-ýiten], **1**. *syp.* Ölüme, ýitgä sezewar bolan. *Ikinji biri: "Ölen-ýiten bolmadyk bolsa ýagşy" diýip, sorag hökmünde gürledi* (A. Gowşudow). **2**. *at.* Ölen ýa-da ýiten adam. *Bu gün kyrk sekiziň ýer titremesinde ölen-ýitenleriň hatyrasyna sadaka berilýär.*

**ÖLEŇ** [ölöň] **I**, *at.* **1**. Otluk meýdan, çemenlik ýer; ýaýla. *Ter öleňli, gyzyl gülli, Bilbilli, bossanly daglar* ("Görogly"). *Illeri bar, diňli-diňli, Sowuk suwly, ter öleňli* (Magtymguly). **2**. *k.d.* Batgalykda bitýän ot. *Öleň özün bag saýar* (Magtymguly).

**ÖLEŇ** [ölöň] **II**, *at.*Halk döredijiliginiň dört setirli goşgy görnüşi, toý aýdymy. *Haý-haý, öleň, haý, öleň, Haýdyr bu gün ýar-ýar, Agy-gyzyl reňbe-reň, Toýdur bu gün ýar-ýar* (Öleňlerden).

**ÖLEŇLIK** [ölöňlük], *at.* Gök otluk, giden öleňli meýdan.

**ÖLERMEN** [ölörmön], *syp.*, *ser.* **Ölemen**. *Onuň bir goňşusy ölermen awçydy* (N. Jumaýew).

**ÖLI** [ölü], *syp.* **1**. Jany çykan, diri däl, ölen, jansyz. *Öli arslandan – diri syçan* (Nakyl). **2**. Merhum. *Öli aýatdan doýmaz, diri – hezzetden* (Nakyl). **3**. *göç.m.* Hereketsiz, jansyz. *Enjamy ele alan adamlar bolmasa, enjam ölüdir.*

◊ **Öli diller** gepleşikde ulanylmadan galan, ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýän diller. **Öliň sargydynysargamak** köp zat sargamak. *Men oňa öliň sargydyny sargadym, atanyň ogla bolan mähri bilen ýalbardym* (B. Kerbabaýew). **Öliň soragyny soramak (bermek)** köp zat soramak, bir zat hakynda çintgäp-çintgäp soramak, ýok soraglary bermek. **Ýüzune öliň reňkiurmak** ýüzüne öli adamyň reňki çykmak, ýüzi ak tam bolmak, ýüzüniň gany gaçyp, gaty agarmak.

**ÖLINÇÄ** [ölüýnçä:], *hal.* Tä dünýäden ötýänçä; tä ölüm pillesi tutýança, ömür boýy. *Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdundan aýrylan – ölinçä* (Nakyl). *Tä ölinçä hak ýolunda ýat edem, Seni görüp, gamly göwnüm şat edem* ("Görogly").

**ÖLJERIBERMEK** [ö:ljörüvermek], *işl.* Öljerip ugramak.

**ÖLJERIŞ** [ö:ljörüş], *iş ady.* Öljermek ýagdaýy.

**ÖLJERIŞMEK** [ö:ljörüşmök], *işl.* Bir zadyň birnäçe ýeri öl bolmak birnäçe ýerinde öl görünmek. *Içine gök önümler salnan gabyň aşagy öljerişip dur.*

**ÖLJERME** [ö:ljörmö], *iş ady.* Öljermek ýagdaýy.

**ÖLJERMEK** [ö:ljörmök], *işl.* Çala öl bolmak, sähel öl görünmek. *Gaty kesekleriň arasy ilki öljerip, birdenem şildiräp akmaga durdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÖLJERMEKLIK** [ö:ljörmöklük], *iş ady.* Öljermek ýagdaýy.

**ÖLJERMEZLIK** [ö:ljörmözlük], *iş ady.* Öljerip durmazlyk.

**ÖLJERTMEK** [ö:ljörtmök], *işl.* Çala öl etmek.

**ÖLJÜMEK** [ö:ljümök], *syp.* Çala öl, ölräk. *Öljümek çage.*

**ÖLLEME** [ö:llömö], *iş ady.* Öllemek ýagdaýy.

**ÖLLEMEK** [ö:llömök], *işl.* **1**. Öl etmek, suw degirmek. *Üstünde köp oýnamakdan kä ýerleri süzülen matany suwa ölläp ýere ýazýarlar* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Çalarak suwarmak, suw çaýdyrmak, suw bermek. *Elim degmänsoň, ekin eken kölçelerimi ölläbem bilemok.*

◊ **Eliňi öllemek** *gepl.d.* Eliňi çalak-çulak ýuwmak. *Nahar äberilýänça elimi ölläp geleýin.*

**ÖLLEMEKLIK** [ö:llömöklük], *iş ady.* Öllemek ýagdaýy.

**ÖLLEMEZLIK** [ö:llömözlük], *iş ady.* Öl etmezlik, suw degirmezlik.

**ÖLLENMEK** [ö:llönmök], *işl.* **1**. Öl edilmek, suw degrilmek; suwa sokulyp çykarylmak. *Mekdep jaýy okuw gutaran dessine arassalanmalydyr, esbaplar her gün irden öllenen esgi bilen süpürilmelidir* ("Mugallymlar gazeti"). **2**. Çala suw içip, ýer öl bolmak, çala çaýdyrylyp suwarylmak. *Ekinli kölçe öllenen bolsa bolýa-la.*

**ÖLLEŞMEK** [ö:llöşmök], *işl.* Bilelikde öllemek..

**ÖLLETMEK** [ö:llötmök], *işl.* Öllemek işini başga birine etdirmek, öllemäge mejbur etmek, öllemäge mümkinçilik döretmek. *Ol hasany maňa ölletdi.*

**ÖLLEÝIŞ** [ö:llöýüş], *iş ady.* Öllemek ýagdaýy.

**ÖLLÄBERMEK** [ö:llä:vermek], *işl.* Ölläp ugramak, öl edibermek.

**ÖLLÜGINE** [öllüğünö], *hal.* Öl görnüşinde. *Onda hem onuň üstüne suw guýup söndürýärler we öllügine eltip gowaça dökýärdiler* (B. Gurbanow).

**ÖLLÜK** [ö:llük], *syp.* Öl görnüşinde bolmaklyk, öli barlyk, gury dällik.

**ÖLME** [ölmö], *iş ady.* Ölmek ýagdaýy.

**ÖLMEK** [ölmök], *işl.* **1**. Jany çykmak, dünýäden ötmek, aradan çykmak, ýogalmak, gaýtmak, aýrylmak, amanadyny tabşyrmak. *Iki at depişer, arasynda eşek öler* (Nakyl). **2**. Ýok bolup gitmek, dowam etmegini bes etmek, ýitip gitmek. *Näme üçin biziň käbirlerimiz bir eýýäm ölüp giden adaty süýreýäris* (N. Pomma). **3**. *gepl.d.*Solmak, guramak (ösümlik hakynda).

◊ **Öler ada galar at** "diri wagtyň bir gowy, gerekli iş etmeklik" diýen manyda ulanylýan aňlatma. **Öler jany** (şahs goşulmalarynyň hemmesini-de kabul edip bilýär) iň gowy görýän zady, ölemen gowy görýän zady. *Onuň öler jany düýe çalydy.* **Öler ýaly** örän gaty, çendenaşa. *Öler ýaly gorkmak. Öler ýaly ajykmak.* **Ölüp barmak** **1**) ölümi golaýlamak. **2**) bir zady gaty islemek, gowy görmek. *Pul diýip ölüp barmak.*

**ÖLMEKLIK** [ölmöklük], *iş ady.* Ölmek ýagdaýy.

**ÖLMEZLIK** [ölmözlük], *işl.* **1**. Diri galmaklyk, janyň çykmazlyk, ýogalmazlyk. **2**. *ser.* **Ölmezödi**. *Ýaşajak bolsaň, ölmezlik bir zat garbanmaly-da.* **3**. Bir işe, bir zada howlukmaklyk, ýüregiňi eliňe almazlyk. *Ölmesene, oýundan gijä galasymyz ýok-la.*

**ÖLMEZÖDI** [ölmözö:dü], *at.* Ölmän saklanar ýaly, ölmezlik üçin gerek bolan azajyk iýmit.

**ÖLMEZÖDÜLIK** [ölmözö:dülük], *syp.* Ölmezödi bolar ýaly azajyk (iýmit).

**ÖLMEZ-ÝITMEZ** [ölmöz-ýitmez], *syp.* Adamlaryň aňynda hemişelik galýan, ömürlik öçmejek. Ölmez-ýitmez şöhrata eýe bolmak.

**ÖL-MYŽŽYK** [ö:l-myžžyk], *syp., ser.* **Öl-suw**. *Onuň üsti-başy öl-myžžyk bolupdyr.*

**ÖL-SUW** [ö:l-suw], *hal.* Üsti-başy gaty öl, gaty ezilen, bütinleý öl bolan, öl-myžžyk. *Ol dagyň çür depesine, şol görünýän oglanyň ýanyna baranynda, derden ýaňa endam-jany öl-suwdy* (A. Gurbanow).

**ÖLŞÜK** [ölşük], *at.* **1**. Gandöküşikli uruş, biri-biriňi öldürmeklik, gyrlyşyk. *Ölşük şunuň ýaly zadyň üstünde bolýar ahyry* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Dawa-jenjel, dawalaşyk, basa-baslyk. *Dükana gaty arzan harytlar goýberilipdir, ýöne golaýyndan barar ýaly däl, olaryň üsti ölşük eken.*

**ÖLÜGSI** [ölüğsü], *syp.* **1**. Ýagtysy, ýşygy ýiti däl, çala ýşyk berýän, çala ýanýan. *Ýek-tük ýyldyzlar ölügsi şöhle salýar.* **2**. Şöhlesi giden, nury gaçan, şöwketi giden, küteleşen (göz hakynda). *Onuň ölügsi gözleri ýaldyrady, gowşan göwresi sandyrady, sesi garyljyk çykdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Suwsuz sülleren, solgun (ösümlik hakynda). *Tozanyň arasyndan ölügsi otlar ysgynsyz görünýärdi* (Ý. Mämmediýew). **4**. Çala çykýan, zordan eşidilýän, ysgynsyz (ses hakynda). *Bu ölügsi sesiň çadyrdan çykýanyny oturanlaryň hemmesi aňladylar* (A. Gowşudow).

**ÖLÜGSIJE** [ölüğsüjö], *syp.* Tutuksyja, has öçügsi. *Çyranyň ölügsije ýşygy.*

**ÖLÜGSILENIŞ** [ölüğsülönüş], *iş ady.* Ölügsilenmek ýagdaýy.

**ÖLÜGSILENME** [ölüğsülönmö], *iş ady.* Ölügsilenmek ýagdaýy.

**ÖLÜGSILENMEK** [ölüğsülönmök], *işl.* **1**. Ýagtysy azalyp başlamak, ölügsi bolup başlamak. *Asmanyň ýiti ýyldyzlary kem-kemden ölügsilenip, gündogardan göterilen daň şapagy dünýä ýüzüne çalymtyk çäkmen bolup ýaýylýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Dura-bara şöhlesi gitmek, nury gaçmak, şöwketi gitmek, küteleşmek (göz hakynda).

**ÖLÜGSILENMEZLIK** [ölüğsülönmözlük], *iş ady.* Ýagtysy azalmazlyk, şöhlesi kütelmezlik.

**ÖLÜGSILIK** [ölüğsülük], *syp.* Ölügsi ýagdaýda bolmaklyk, ýagtysy azlyk.

**ÖLÜLIK** [ölülük], *at.* Diri dällik, öli halda bolmaklyk, jansyzlyk.

**ÖLÜM**, *at.* Ýaşaýşyň gutarmagy, ömür tanapyň kesilmegi, wepat boluş. *Bir ölüm, bir aýralyk, Hiç biri bolmasady* (Halk döredijiliginden)

◊ **Ölümiň gyrasy iş** aňrybaş derejede adamy abraýdan düşürýän iş. *Bu ölümiň gyrasy işdir, muňa näme diýip - näme aýdarsyň* (A. Durdyýew). **Ölümiň öýünde** zordan, örän kynlyk bilen, köp horluklar görüp, azar ýamanyny görüp. *Ol ýolda ýagşyň aşagynda galyp, ölümiň öýünde özüni oba atdy.* **Ölüm jezasy** iň ýokary jeza çäresi. *Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ölüm jezasy ulanylmaýan ýurtdur.* **Ölüm pillesi tutmak** ölmeli bolmak, ölmek katdyna ýetmek. **Ölüm ýassygynda ýatmak** ölüm howply bolmak, agyr kesel zerarly ölümli halda bolmak.

**ÖLÜMLI** [ölümlü], *syp.* Ölüm howply, ölüm howpy bolan. *Ol derman ençeme gezek ölümli ýürek agyrydan halas edipdi* (T. Gurbanow).

**ÖLÜMSIZ** [ölümsüz], *ser.* **Ölüm-ýitimsiz**. *Näme, siz uruş ölümsiz, ýitimsiz bolar öýdýärmidiňiz, näme, ol iberenleriňizi toýa ugradypmydyňyz?* (A. Gowşudow).

**ÖLÜM-ÝITIM**,*at.* Heläkçilik, gyrgynçylyk zerarly ýüz berýän ölüm hem-de ýitgi. *Mallary ölüm-ýitimden goramaly.*

**ÖLÜM-ÝITIMSIZ**,*syp.,hal.* Ölüm-ýitimden halas, ýitgisiz. *Mallary gyşdan ölüm-ýitimsiz çykararys. Ölüm-ýitimsiz ýagdaý.*

**ÖLÜP-ÖÇMEK** [ölüv-öçmök]: **ölüp-öçüp barmak 1)** aşa söýmek, örän gowy görmek. *Onuň üstünde ölüp-öçüp barýardylar.* **2)** gaty howlukmak, örän alňasamak. *Aý, turmaga rugsat edäýenlerinde-de ölüp-öçüp barjak däl* ("Edebiýat we sungat").

**ÖLÜŞMEK** [ölüşmök], *işl.* **1**. Urşup biri-biriňi öldürmek. *Ölşeris weli, şu tümmeg-ä bermeris* (A. Durdyýew). **2**. *gepl.d.* Köpçülik bolup basa-baslyk etmek, dawa-jenjel etmek. *Seniň bilen deň durup, bir*

*ýerde ölüşjek* ("Görogly"). **3**. *göç.m.* Solmak, guramak (ösümlik hakynda).

**ÖMRÜZAÝA** [ömrüza:ýa], *at, asman j.* Günorta tarapda ir dogup, günorta-günbatarda ir ýaşýan ýyldyz. *Gül ýüzüni görmegenler, Ömrüzaýa meňzeýär, Kirpigi ok, gaşlary misli ýaýa meňzeýär* (Halk aýdymyndan).

**ÖMRYLLA** [ömrylla:], *hal.* Hiç haçan, hiç wagt, düýbünden. *Sen biziň gören görgimizi birje gün gören bolsaňdyň, ömrülla agzyňa şerap almazdyň.*

**ÖMÜR**, *at.* **1**. Biriniň ýaşaýyş döwri, mütdeti. *Ömür öwreder, zähmet baýadar (Nakyl). Atanazar aga ömrüniň köpüsini miraplykda geçirdi* (H. Ysmaýylow). **2**. *hal,göç.m.* Hiç haçan, asla. *Olar sen diýip gelmeýärler, olar men diýip gelýärler, olar ömürem seniň gapyňdan garajak adamlar däl* (H. Derýaýew). **3**. *hal, gepl.d.* Hemişe, mydama, elmydama. *Ol ömür maňa geňeşip iş edenok. Arça ömür gök öwsüp otyrýar.* **4**. Ulanmak möhleti. *Şu matadan tikilen köýnegiň ömri uzak eken.*

◊ **Ömrüňe bereket!** Harman alyp duran adama "çäjiňe bereket!" diýlende, onuň minnetdarlyk bildirip aýdýan jogaby. **Ömrüňi kül etmek** biri ýa-da bir zat üçin köp azap çekmek. **Ömrüň uzak bolsun!** Biriniň uzak ömür sürmegi arzuw edilip aýdylýan alkyş. **Ömür sürmek** ýaşamak, ýaşamagy dowam etmek. *Adam ogly dünýä gelen, Ömür sürse rahat bilen* (Mätäji). **Ömür tanapy kesilmek (üzülmek, gyrylmak)** ýogalmak, aradan çykmak.

**ÖMÜR-AHYR** [ömür-a:hyr], *hal, ser.* **Ömürbaky.** *Yşkyň bilen men dat eýläp, Öwrenip men, adat eýläp, Ömür-ahyr perýat eýläp, Ýetmez lahat boýlaryňa* (Magtymguly).

**ÖMÜRBAKY** [ömürva:ky], *hal.* Hemişe, elmydama, ömürlik, ebedi; ömürboýy. *Seniň bu eden ýagşylygyňy ömürbaky unutman.*

**ÖMÜRBOÝY** [ömürvoýy], *hal, ser.* **Ömürbaky**.

**ÖMÜRLIK** [ömürlük], *hal.* **1**. *ser.* **Ömürbaky**. **2**. *Ömürlik mülk.* **2**. *göç.m.* Berk, pugta. *Ökde ussanyň elinden çykan zat ömürlikdir.*

◊ **Ömürlik uka gitmek** ölmek, dünýäden ötmek, ýogalmak. **Ömürlik ýoldaş** är bilen aýalyň ömrüniň ahyryna çenli bile ýaşaşmak ýagdaýy. *Mollanepes Bossantäç atly gyzy söýüpdir we onuň bilen ömürlik ýoldaş bolupdyr.*

**ÖMÜR-ÖTE**, *hal.* Hiç haçan, asla, ömür. *Hany äber, saç bagymyň ujuna pugta daňaryn, ömür-öte gaçasy ýok* (A. Durdyýew).

**ÖNDÜM** [ö:nnüm], *at.* Iş öndürijiligi, işi öndürip biliş derejesi. *Yhlasly, tutanýerli işlense,öndümi köp bolýar.*

**ÖNDÜMLI** [ö:nnümlü], *hal, ser.* **Öndürijilikli**. *Maldarçylygy ösdürmek üçin mundan beýläk-de öndümli işläris.*

**ÖNDÜMLILIK** [ö:nnümlülük], *syp., ser.* **Öndürijiliklilik.**

**ÖNDÜMSIZ** [ö:nnümsüz], *syp, ser.* **Öndürijiliksiz**.

**ÖNDÜRIBERMEK** [ö:nnürüvermek], *işl.* **1**. Önüm öndürip başlamak; önüm öndürmegi dowam etdirmek. – *Siz köpräk pagta öndüriberiň – diýdi* ("Nesil"). **2**. Çaga ösdürip ýetişdiribermek.

**ÖNDÜRIJI** [ö:nnürüjü], *syp.* Önüm işläp çykaryjy, önüm beriji. *Öndüriji güýçler.*

**ÖNDÜRIJILIK** [ö:nnürüjülük], *at.* Belli mukdarda önüm işläp çykaryjylyk, önüm berijilik, öndümlilik. *Kärhananyň öndürijiligi pes ýagdaýda.*

**ÖNDÜRIJILIKLI** [ö:nnürüjülüklü], *syp.* Önüm köp işläp çykarýan, köp önüm berýän, öndümli. *Öndürijilikli işlemek.*

**ÖNDÜRIJILIKSIZ** [ö:nnürüjülüksüz], *syp.* Gerekli mukdarda önüm işläp çykarmazlyk, öndümsiz. *Öndürijiliksiz işlemek.*

**ÖNDÜRILMEK** [ö:nnürülmök], *işl.* Haýsydyr bir önüm ýasalmak, taýýarlanmak. *Öndürilen galla önümleri.*

**ÖNDÜRIP-ÖSDÜRMEK** [ö:nnürüv-össürmök], *işl.* Dünýä indirip, ekläp-saklamak, terbiýeläp ýetişdirmek, bakyp-bejerip ulaltmak. *Ony öz süýdi, maňlaýynyň deri bilen öndürip-ösdüren mähriban ene hany?* (B. Kerbabaýew).

**ÖNDÜRIŞ** [ö:nnürüş], *iş ady.* Öndürmek ýagdaýy.

**ÖNDÜRIŞMEK** [ö:nnürüşmök], *işl.* Birine önümi işläp çykarmaga, hasyl almaga kömekleşmek.

**ÖNDÜRME** [ö:nnürmö], *iş ady.* Öndürmek ýagdaýy.

**ÖNDÜRMEK** [ö:nnürmök], *işl.* **1**. Önüm işläp çykarmak, önüm bermek, hasyl almak. *Önüm öndürýänler we telekeçiler yzygiderli höweslendiriler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). **2**. Çaga dogurmak, dünýä indirmek. *Ýöne, her zadam bolsa, olam ene-dä, garabagyr, öndüripdir, ekläpdir-saklapdyr, onsoň oňa-da maslahat salaýaly diýýäs-dä* (H. Derýaýew).

**ÖNDÜRMEKLIK** [ö:nnürmöklük], *iş ady.* Öndürmek ýagdaýy. *Ilki bilen, kärhanada gant öndürmekligi ýola goýmaly.*

**ÖNDÜRMEZLIK** [ö:nnürmözlük], *iş ady.* Önüm öndürmek işi amal edilmezlik, ýerine ýetirilmezlik.

**ÖNDÜRTMEK** [ö:nnürtmök], *işl.* Önümi işläp çykarmak işini başga birine etdirmek.

**ÖNELGE** [ö:nölğö], *at.* **1**. Çaga öndürip bilijilik. **2**. Ene-atasyndan önen çaga.

**ÖNELGELI** [ö:nölğölü], *syp*. Önelgesi bolan.

**ÖNELGESIZ** [ö:nölğösüz], *syp.* Çaga öndürip bilmeýän, göwresinde çaga galmaýan. *Önelgesiz aýallaryň 50-60 % jyns organlarynyň sowuklamasyndan ejir çekýär* (M. Annamow).

**ÖNELGESIZLIK** [ö:nölğösüzlük], *syp.* Önelgesi ýokluk, önelgesi bolmazlyk. *Ol bir ýa birnäçe keseliň organizme ýetiren zeperi* (M. Annamow).

**ÖNJEÝLI** [ö:njöýlü], *syp.* Esli, ep-esli, netijeli, degerli, ugurly. *Durmuşymyzyň öňe gitmegine önjeýli goşant goşmaly.*

**ÖNJEÝLILIK** [ö:njöýlülük], *at.* Netijelilik. *Meniň häzirki iş önjeýliligimize göwnüm ýetenok* (A. Gowşudow).

**ÖNME** [ö:nmö], *iş ady.* Önmek ýagdaýy.

**ÖNMEK** [ö:nmök], *işl.* **1**. Iş kadaly barmak, iş ýöremek, iş bitmek, edilýän işiň netijesi görnüp durmak. *Iş önýän bolsa, oňa ýetesi näme bar?!* **2**. Hasyl bermek, önüm bermek, bitmek. *Mele suwdan ganan ýerden egsilmez ak pagta önýär*. **3**. Nesil döremek, perzent bolmak, dogmak. *Ondan öňde-soňda ýeke perzent öndi. Her kim özünden önen çaganyň ýamanlygyny görmek islemeýär.*

**ÖNMEKLIK** [ö:nmöklük], *iş ady.* Önmek ýagdaýy.

**ÖNMEZLIK** [ö:nmözlük], *işl.* Önüp durmazlyk.

**ÖNÜBERMEK** [ö:nüvermek], *işl.* Önüp başlamak, köpelibermek.

**ÖNÜM** [ö:nüm], *at.* **1**. Belli bir wagt içinde kärhananyň, senagatyň belli bir pudagynyň ýa-da ýurduň halk hojalygy tarapyndan öndürilýän zatlaryň jemi, önümçilikde öndürilýän zatlar. **2**. Akyl zähmetiniň döredýän zatlary. *Ýazyjy öz önümini halkyň arasynda giňden ýaýradýar.*

**ÖNÜMÇILIK** [ö:nümçülük], *at.* **1**. Senagatyň, oba hojalygyň önüm öndürilýän pudagy. *Şunda diňe biriçerki islegiň üpjün edilmegi we eksportyň artdyrylmagy däl, eýsem täze nebit-himiýa önümçiliklerini ösdürmegiň ugurlary hem nazarda tutulýar* ("Türkmenistan"). **2**. Jemgyýetiň ýaşamagy we ösmegi üçin zerur maddy baýlyklary döretmek işi. *Önümçilik ösdügiçe, adamlaryň islegleri artýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÖNÜMÇILIKÇI** [ö:nümçülükçü], *at.* Önümçilige gönüden göni gatnaşýan, önümçilikde işleýän adam. *Gowy önümçilikçi, janypkeş, zamanabap, ak ýürekli adamlar gerek* ("Edebiýat we sungat").

**ÖNÜMLI** [ö:nümlü], *syp.* Önümi köp berýän, hasylly, öndürijilikli. *Watan önümli işlemekligi talap edýär* (A. Durdyýew).

**ÖNÜMLILIK** [ö:nümlülük], *at.* Köp önüm önmeklik, önümi artmaklyk, önümi köp berijilik, öndümlilik. *Mallaryň önümliligi artýar.*

**ÖNÜP-ÖSMEK** [ö:nüv-ösmök], *işl.* Dünýä inmek we kemala gelmek, ulalmak. *Bir obada önüp-ösen Garýagdy bilen Muhat duşuşdylar* (H. Ysmaýylow).

**ÖNÜŞ** [ö:nüş], *iş ady.* Önmek ýagdaýy.

**ÖŇ**, *hal.* **1**. Biriniň, bir zadyň alyn, ýüz tarapy we şol tarapdaky ýer, giňişlik, meýdança. *Jaýyň öňi. Myhmanyň öňünde saçak ýazyldy.* **2**. Häzirki wagtdan ozal. *Meniň bilen gitjek bolsaň, öň näme işlediň, ýatladaýsaň bolmaýrmy?*. **3**. Beýlekilerden ilki. *Onuň aty ýaryşa goşulan beýleki atlardan at gaýtarym öň geldi.*

◊ **Öňe düşmek (çykmak)** ýolbaşçylyk etmek, ýol görkezmek. **Öňe sürmek** teklip etmek, üýtgeşiklik girizmek. *Medeniýet işleriniň has giňelmegi üçin möhüm çäreler öňe sürüldi.* **Öňünde durmak** hötde gelip bilmek. *Adam gören ýaly-ha bolaýarsyň weli, men munuň öňünde nähili durarkam?* (B. Seýtäkow). **Öňünden çykmak 1**) ýoluna çykyp garşylamak, garşy almak.*Çagalar kakalarynyň öňünden çykdylar.* **2**) gaýtawul bermek. *Indi onuň öňünden çykjak tapylarmyka?* **Öňünden gaçmak** irgözin gamyny iýmek, öňünden taýynlanmak. *Arman, sen öňünden gaçdyň, ýogsa bu ýumşa sen gitmelidiň.* **Öňünden geçmek** ussatdan pata almak, özbaşdak işlär ýaly ygtyýar almak. **Öňüni almak** amala aşmazlygy üçin öňünden çäresini görmek, öňünden döremek mümkinçiligini ýok etmek, bir zadyň bolmagyna ýol bermezlik. **Öňüni başlamak** bir işe ilkinji bolup girişmek, başyny başlamak.

**ÖŇALDY** [öňally], *at.* **1**. Takyrda suw ýygnanmagy üçin, onuň akyp gitjek ugruna basylan bent. **2**. Oba ady.

**ÖŇATLY**, *at.* Gelin alynmaga gidilende we gaýdylanda gelnalyjylaryň öňünden gelýän atlylar, atbaşçy. *Sona zatdan bihabar, Muňa öňatly geldi* (A. Alamyşow). *Öňatly gidiljek ýeriniň goňşy obamyzdadygyny eşiden dessimize gürrüňiň agramy şol ýana agdy* (R. Gelenow).

**ÖŇBARAK** [öňmarak], *at.* Gelin toýundabellenen pellehana "öň gelmeşek" edilip gurulýan çapyşyk.– *Öňbaragyň bir semiz toklusy bar – diýip, jar çekdirdi* (B. Kerbabaýew).

**ÖŇBAŞÇY** [öňmaşşy], *at.* **1**. Bir hereketiň, akymyň, guramanyň, edaranyň we ş.m. başynda durup, oňa ýolbaşçylyk edýän adam. **2**. Öz yzy bilen alyp baryjy (köplenç, haýwanlar hakynda). *Goýunçy köpek okdurylyp barşyna çöpleriň düýbüne bukdaklaşyp gelýän möjekleriň öňbaşçysynyň üstüne özüni oklady* (A. Gowşudow). **3**. Öňdebaryjy. *Olar tutuş ýurdumyz boýunça ýygymda öňbaşçy bolmagyň hötdesinden gelýärler* ("Nesil").

**ÖŇBAŞÇYLYK** [öňmaşşylyk], *hal.* Öňbaşçy bolmaklyk, ýolbaşçylyk etmeklik. *Ýaşlar toparynyň öňbaşçylyk hyzmatyny ýokarlandyrmaly.*

**ÖŇBAÝRAK** [öňmaýrak], *at.* At çapyşygynda toýhana ilki gelene berilýän serpaý.

**ÖŇDEBARYJY** [öňdövaryjy], *at.* Önümçilikde zähmet öndürijiligi bilen beýlekilerden tapawutlanýan adam.

**ÖŇDELIK** [öňdölük], *at.* Öňde baryjylyk, öňde bolmaklyk, öňe gidijilik. *Gaýratam ederis, pagtanam ýygarys, öňdeligi-de elde saklarys.*

**ÖŇDE-SOŇDA** [öňdö-soňdo], *hal.* **1**. Iru-giç, haçan hem bolsa, bir wagt, ahyrsoňy. *Öňde-soňda bilinmän galjak zat bolmaz.* **2**. Hiç haçan, hiç wagt. *Men öňde-soňda şondan başga ýalan sözlemedim* (A. Gowşudow).

**ÖŇI-ARDY** [öňü-a:rdy], *at.* Öňi we yzy, başy-aýagy. *Çyksa goşun öňi-ardy bilinmez* (Magtymguly).

◊ **Öňi-ardy gelmezlik** bir işiň gutarýan wagty, netijesi belli bolmazlyk**.** *Seniň bu başlan işiň öňi-ardy gelmedi-le.*

**ÖŇINÇÄ** [öňüýnçä:], *hal.* **1**. Öňi bilen, ilki, öň, öňürti. *Öňinçä jaý salynjak ýere kerpiç çekeliň.* **2**. Öň ýany, biraz öň, öňüsyrasy. *Ol ýygnak başlanmazdan öňinçä geldi.*

**ÖŇI-SOŇY** [öňü-soňy], *hal.* **1**. *ser.* **Öňde-soňda**. **2**. *ser.* **Öňi-ardy**.

**ÖŇKI** [öňkü], *syp.* **1**. Öten döwürdäki, geçenki, owalky, ozalky. *Öňki adamlar sada bolupdyrlar.* **2**. Öňde barýan, öňde gelýän, öňde duran, öňdäki. *Goşunyň öňki hatary baýdaklydy.* **3**. Öten agşam, öten gije däl-de, ondan aňyrdaky (agşam, gije). *Bagşy aga, seniň täze düzen aýdymyňy höwes bilen diňlänimiz öňki agşam dälmidi?!* (B. Kerbabaýew).

**ÖŇKI-ÖŇKÜLIK** [öňk(ü)-öňkülük], *at.* Üýtgän zat ýok,şol bir ýagdaý, öňki ýagdaý, öňküsi ýaly, hemişekisi ýaly, öňkülik. *Birnäçe wagt geçenden soň, ýene-de öwrenişip gitdiler, ýene-de öňki-öňkülik boldy* (B. Seýtäkow).

**ÖŇKI-SOŇKY** [öňkü-soňky]: **öňki-soňky görmedigini görkezmek** kynçylyklara sezewar etmek, kösemek. *Wagtlaýyn başlyk diýip bellediler weli, başlyksyrap, işgärlerine öňki-soňky görmedigini görkezdi.*

**ÖŇKÜLIK** [öňkülük], *at.* **1**. Biriniň özüni öňki duýuşýagdaýy.*Onuň öňküligi bolmady, ...gaşlary çytyldy* (B. Gurbanow). **2**. *ser.* **Öňki-öňkülik**.

**ÖŇKÜSI** [öňküsü] **I**: **öňküsi gün** geçenbelli bir günüň öňünden gelýän gün. *Ol şäherden öňňun däl-de, öňküsi gün geldi.*

**ÖŇKÜSI** [öňküsü] **II,** *çal.* **1**.Öň nähili bolsaň, şonuň ýaly boluş (I, II, III şahslaryň goşulmasyny kabul eden halatynda ulanylýar: *öňkim, öňkiň, öňküsi* we ş.m.). *Öňküsi ýaly bolsun-da gezibersin.* **2**. *gepl.d.* Biriniň öňki aýaly ýa-da adamsy. *Onuň öňküsi biziň obadaşymyzdy.*

**ÖŇLI-SOŇLY** [öňlü-soňly], *hal.* **1**. Başdan-aýak, öňde-soňda, jikme-jik, takyk. *Dilewarlyk edip-etmän, biziň hem öňli-soňly bilýän zadymyz ýok!* (G. Kulyýew). **2**. Ymykly, hemişelik. *Don biçerler ýeňli-ýanly, dost tutarlar öňli-soňly* (Nakyl).

**ÖŇLIN-SOŇLYN** [öňlin-soňlyn], *hal.* Birde öňünden, bir-de soňundan, käwagt biri, ygym-sagym. *Çakylyga öňlüýn-soňluýn gelmek bu obanyň adamlarynyň endik eden gylygydy.*

**ÖŇLÜK**, *at.* Geýen eşigiň öň ýüzüni hapadan goramak üçin öňe tutulýan ýörite tikilen eşiklik. *Sähragül elini öňlügine süpürip, bärki otaga girip gelşine seslendi* (N. Jumaýew).

**ÖŇLÜKLIK** [öňlüklük], *syp.* Öňlük eder ýaly (mata we ş.m.).

**ÖŇŇE** [öňňö], *çal., ser.* **Özge**. *Birniçe adam bar, ýygar teňňäni, Özüne taý görmän, gezer öňňäni* (Magtymguly).*Gün düşende ýalkym salýar maňlaýynyň egmesi, Bir seni gördüm jahanda, sençe ýokdur öňňesi* (Baýly şahyr). *Ertir oýansam, öýümdäkileriň birinden öňňesi işe giden eken* (H. Garabaýew).

**ÖŇŇEREKLEMEK** [öňňöröklömök] *işl.,gepl.d.* **1**. *ser.* **Öňürdiklemek**. *Eşek öňňerekläp çapyp barýardy.* **2**. *göç.m.*Ýaranjak bolup, biriniň öňünde iki-baka ylgaşlamak, selpemek, ylgamanyň bäri ýany gaty-gaty ýöräp, hyzmatyny etmek.

**ÖŇŇIL** [öňňüýl / öňňüýyl], *hal.* Geçen ýyl däl-de, ondan öňki ýyl.*Biziň öňňil gyssananymyz ýadyňda barmy?* (B. Kerbabaýew).

**ÖŇŇILKI** [öňňüýlkü / öňňüýylky], *hal.*Geçen ýylky däl-de, ondan öňki ýylky. *Onsoň-a mallarymyz sowukda öňňilki ýaly heläk bolaýmasa gerek* (N. Pomma).

**ÖŇŇIN** [öňňüýn / öňňu:n], *hal.* Düýn däl-de, ondan öňki gün. *Bilýämiň, meni düýn däl, öňňin goşunçylyga çagyrdylar* (A. Durdyýew).

**ÖŇŇINKI** [öňňüýnkü / öňňu:nky ], *hal.* Düýn däl-de, ondan öňki günki. *Meniň ony öňňinki görşüm.*

**ÖŇŇÜÝYL** [öňňüýyl ], *hal, ser.* **Öňňil**.

**ÖŇÜNDE** [öňünnö], *köm.s.* Alynynda, garşysynda. *Oba hojalyk isgärleriniň öňünde durýanwezipeler.*

**ÖŇÜNDEN** [öňünnön], *hal.* Hereketiň amala aşmazyndan birnäçe wagt öň.*Onuň oba gidendigini maňa öňünden aýtmaly ekeniň, eşiden bolsam, menem bile giderdim.*

**ÖŇÜRDIBERMEK** [öňürdüvermek], *işi., ser.* **Öňürtiläbermek.**

**ÖŇÜRDIK** [öňürdük / öňňürdük], *hal.* Atyň, eşegiň öň aýaklaryny yzly-yzyna gezekli atyp, ortaça çapyşynyň, gidişiniň bir görnüşi. *Takyrjak ýerde dikgirdedip bolmaýan eşek-de, öňürdigini ýazman ylgady* (B. Kerbabaýew). *Meret ýabynyň öňürdigini ýazdyrman, bir sagatlap sürdi* (A. Durdyýew).

**ÖŇÜRDIKLEME** [öňürdüklömö / öňňürdüklömö], *iş ady.* Öňürdiklemek ýagdaýy.

**ÖŇÜRDIKLEMEK** [öňürdiklömök /öňňürdiklömök], *işl.* **1**. Öňürdigine çapmak, öňürdigine gitmek. *Eşek şol öňürdikläp barşyna märekäniň gapdalyna gelip aýak çekýär* ("Edebiýat we sungat"). *At öňürdiklemäge başlady.* **2**. *göç.m.* Ýaranjak bolup, biriniň öňünde byzbydyklamak. *Onuň öňünde öňürdikläp hem, ýalbarup hem ýaranyp bilmedi* (N. Pomma).

**ÖŇÜRDIKLEMEZLIK** [öňürdiklömözlük / öňňürdüklömözlük], *iş ady.* Öňürdigine çapmazlyk, öňürdigine gitmezlik.

**ÖŇÜRDIKLEŞMEK** [öňürdiklöşmök], *işl.* **1**. Köpçülik bolup öňürdigine çapmak, öňürdigine gitmek. **2**. Ýaranjak bolup biriniň öňünde byzbyldyklaşmak.

**ÖŇÜRDIKLETMEK** [öňürdiklötmök], *işl.*Birine aty, eşegi öňürdigine çapmaga, öňürdigine sürmege mejbur etmek. *Gezerinesüreýinmi ýa-da öňürdikledeýinmi?* (B. Soltannyýazow).

**ÖŇÜRDIKLEÝIŞ** [öňürdiklöýüş/öňňürdüklö-ýüş], *iş ady.* Öňürdiklemek ýagdaýy.

**ÖŇÜRDIKLÄBERMEK** [öňürdiklä:vermek], *işl.* **1**. Öňürdikläp başlamak. **2**. Ýaranjak bolup, biriniň öňünde byzbyldyklabermek.

**ÖŇÜRDIŞ** [öňürdiş], *iş ady.* Öňürtmek ýagdaýy.

**ÖŇÜRTDIRMEK** [öňürtdirmök], *işl., ser.* **Öňürtiletmek**.

**ÖŇÜRTI** [öňürtü], *hal.* Ilki, ozal, öň. *Ol ýatmazyndan öňürti daş çykyp, howanyň ýagdaýyny synlamak isledi* (A. Gowşudow).

**ÖŇÜRTILEME** [öňürtülömö], *iş ady.* Öňürtilemek ýagdaýy.

**ÖŇÜRTILEMEK** [öňürtülömök], *işl.* Bir işi, hereketi beýlekilerden öň, ilki etmek, başgalardan öňünçä ýerine ýetirmek. *Indi sen bizden öňürtilediň, näme maslahat sorasaň soraber* (A. Durdyýew).

**ÖŇÜRTILEMEZLIK** [öňürtülömözlük], *iş ady.* Bir işi, hereketi beýlekilerden öň etmezlik, ýerine ýetirmezlik

**ÖŇÜRTILETMEK** [öňürtülötmök], *işl.*Öňürtilemäge ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**ÖŇÜRTILEÝIŞ** [öňürtülöýüş], *iş ady.* Öňürtilemek ýagdaýy.

**ÖŇÜRTILÄBERMEK** [öňürtülä:vermek], *işl.*Bir işi, hereketi başga birinden öň başlamak.

**ÖŇÜRTME** [öňürtmö], *iş ady.* Öňürtmek ýagdaýy.

**ÖŇÜRTMEK** [öňürtmök], *işl., ser.* **Öňürtilemek**.*Olar biri-birinden öňürtjek bolup, ýerli-ýerden gepläp başladylar.*

**ÖŇÜRTMEKLIK** [öňürtmöklük], *iş ady.* Öňürtmek ýagdaýy.

**ÖŇÜRTMEZLIK** [öňürtmözlük], *iş ady., ser.* **Öňürtilemezlik**.

**ÖŇÜSYRA** [öňüsy:ra], *hal.* Bir wakanyň ýa-da bir zadyň edil öň ýanynda, sähelçe wagt ozal (köplenç halatda degişlilik goşulmasyndan soň ýöneliş düşümde getirilip ulanylýar).

**ÖŇÝETEN**, *at.* Özüňçe bar-ýok, bolar-bolmaz, bolgusyz (adam hakynda). *Öňýetene özüňi oýnadyp ýörseň, sagmyka beri diýerler.*

**ÖPDÜRMEK** [öpdürmök], *işi.* Posa bermek, ogşatmak, öpmäge ýol bermek.

**ÖPME** [öpmö], *iş ady.* Öpmek ýagdaýy. *Iliň arasynda söýgülisini öpmesi oňa geňräk göründi.*

**ÖPMEK** [öpmök], *işl.* Posa almak, ogşamak. *Onuň dodaklaryndan öpesi geldi* (B. Kerbabaýew).

**ÖPMEKLIK** [öpmöklük], *iş ady.* Öpmek ýagdaýy.

**ÖPMEZLIK** [öpmözlük], *iş ady.* Posa almazlyk, ogşamazlyk.

**ÖPÜBERMEK** [öpüvermek], *işl.* Posa alyp başlamak, ogşabermek.

**ÖPÜLMEK** [öpülmök], *işl.* Posa alynmak, ogşalmak.

**ÖPÜŞ**, **1**. *iş ady.* Öpmek ýagdaýy. *Mähir bilen perzendini öpüşi şeýle bir mylaýym, şeýle bir süýji* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Posa, ogşuk, öpüşik. *Artyk soňky öpüşden soň gyssanmaç sorady: – Aýnam, wadamyz – wadamy?* (B. Kerbabaýew).

**ÖPÜŞMEK** [öpüşmök], *işl.* Biri bilen ogşaşmak, biri-biriňi ogşamak. *Aýna kimin ýüzler bilen öpüşmeşek oýnagaly* (Kemine).

**ÖR** [ö:r]: **ör boýuňa galmak 1**) dik durmak, dikelmek. **2**) *ser.* **Ör-gökden gelmek**. **Ör-gökden gelmek** oslanmadyk, garaşylmadyk ýagdaýa gaty geň galmak, haýran galmak, allaniçigsi bolmak. – *Ýok, ýok – diýip, Rahym ör gökden geldi* (O. Ödäýew). **Ör turmak (galmak)** oturan ýeriňden galyp, dik durmak, dikelip durmak, aýak üstüne galmak. *Garly ussa aňk bolup, ör turan ýerinde iki elini uýlugyna urdy* (A. Gowşudow).

**ÖRÇ: örç almak** barha güýjemek, barha möwç almak. *Ol ýene-de örç alyp geldi.* **Örç bolmak** biri bilen gyr-tut bolmak, birini özüňe duşman saýmak.

**ÖRÇELEŞMEK** [ö:rçölöşmök], *işl.*Biri bilen dikleşmek, oturman, dik duran ýeriňden sanaşmak, birine gaýtargy bermek. *Özüňden uly bilen örçeleşip durmak gelşikli däl.*

**ÖRDEK** [ö:rdök], *at.* Köplenç, suwda ýaşaýan ýasy çüňkli, boýny we aýaklary gysga guş.

**ÖRDEKBURUN** [ö:rdökburun], *at.* Köplenç, Awstraliýada duş gelýän, burny ördegiň burnuna meňzeş, ýumurtga guzlaýan, suwda we kenarda ýaşaýan haýwan.

**ÖRDÜRMEK** [ö:rdürmök], *işl.* **1**. Örmek işini başga birine etdirmek; örmäge mejbur etmek; örmek işini buýrup ýerine ýetirtmek . *Ýüň jorap ördürmek. Jigim gulpajygyny gelnejesine ördürdi. Kerpiç ördürmek.* **2**. Örmäge mümkinçilik döretmek. *Kaka, maňa-da kerpiç ördürsene.*

**ÖRE** [ö:rö] **I**, *at.* **1**. Çatma gurlanda dikilýän esasy direg, sütün, daýanç. *– Aý oglum, ne bela boldy bu näme etdigiň – diýip, bu-da çatmanyň artky öresinden gaýym ýapyşdy* ("Görogly"). **2**. Jykyryň dik dikilýän sütüni. *Güldüräp suwny akar-da, öresi lerzan jykyr* (Andalyp). **3**. Harmanyň ortasyna dikilýän agaç. **4**. Oglana dakylýan at.

**ÖRE** [ö:rö] **II**, *at.* Juwazyň oky.

**ÖREDAŞ** [ö:röda:ş], *at.* Eýwanyň dik sütüniniň aşagyna goýulýan ýasy, galyň daş.

**ÖRÄN** [örä:n], "Juda, gaty, has" manysyndaky güýçlendiriji kömekçi söz. *Durdy örän çalasyn hem ýyndamdy* (H. Deryaýew).

**ÖRGÜN** [ö:rğün], *at.* Käbir ýokanç keseller zerarly bedende we nemli bardada döreýän owunjak düwürtikler. *Garahassalyk örgüni. Gyzamyk örgüni.*

**ÖRGÜNLI** [ö:rğünlü], *syp.* **1.** Örgün bilen geçýän. **2.** Endamyna örgün ören adam.

**ÖRI** [ö:rü], *at.* **1**. Mal bakylýan otluk ýer, meýdan, ýaýla. **2**. Gidýän ýeri, gezýän ýeri. *Daş örüsi öýden ses ýetimlik ýer boldy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *göç.m.* Gerim, aýtym. *Ol döredijilik örüsini giňeltmäge çalyşýar.*

◊ **Örüsi daralmak** baryş-geliş edýän ýeri azalmak. *Ýok goşunyň hiç aňyrsy-bärisi, Barha daralýardy hanyň örüsi* (A. Köpekmergen). **Örüsi giňemek 1)** baryş-geliş edýän ýeri artmak, gatnaşyk edýän ýeri köpelmek. *Örimiz giňedi ýuwaş-ýuwaşdan, Biziň üçin barha obamyz dardy* (K. Gurbannepesow). **2)** dünýäsi giňemek, aladasy, hasraty azalmak, asudalyk aralaşmak. *Onuň örüsi giňemek bilen, durmuşa bolan talaby-da artdy* (B. Kerbabaýew).

**ÖRJEMEK** [örjömök], *işl., ser.* **Möwjemek**.

**ÖRK** [örük], *at.* **1**. Mal-gara örklenýän bagly gazyk, teble we ş.m.. *Sygrymyzyň örküni täzeläp gel.* **2**. *göç.m.* Biriniň dogduk mekany, ýerligi, asly. *"Örki şu ýerde bolsa, munuň özge ýurda gidesi ýok" diýip, kyrk gije-gündiz toý başlady* ("Nejep oglan").

◊ **Örküňi üzmek 1**) daýanjyňy ýitirmek, ýerden arany açmak. *Şol barmana bir tümmejikden aşan maşyn ýerden örküni üzüp, süýnüp gitdi* (B.

Kerbabaýew). **2**) Dogduk mekandan gidip, onuň bilen aragatnaşygyňy kesmek, ýitirmek. *Kimiň göbek gany siňen ýerden örküni üzesi gelýändir öýdýäň?!*

**ÖRKLEME** [örüklömö], *iş ady.* Örklemek ýagdaýy.

**ÖRKLEMEK** [örüklömök], *işl.* **1**. Sygyr, at ýaly maly otluk ýerde uzyn ýüpde gazyga baglap goýmak. *Mallary suwa ýakyp, sygry örklemek meniň paýyma düşdi. Ol bir uly çynaryň üstünden bardy we onuň saýasynda atyny örkläp, dynç almakçy boldy* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Duýgy taýdan baglamak, bent etmek.

**ÖRKLEMEKLIK** [örüklömöklük], *iş ady.* Örklemek ýagdaýy.

**ÖRKLEMEZLIK** [örüklömözlük], *iş ady.* Örklemek işi ýerine ýetirilmezlik.

**ÖRKLENMEK** [örüklönmök], *işl.* Otladylmak üçin otluk ýerde daňylmak. *Sygyr suwly ýabyň boýunda örklenipdir.*

**ÖRKLEŞMEK** [örüklöşmök], *işl.* **1**. Örklemäge kömekleşmek. *Sen jigiňe sygyrlary örkleş.* **2**. Bilelikde örklemek. *Olar mallaryny örkleşip ýör.*

**ÖRKLETMEK** [örüklötmök], *işl.* Örklemek işini birine etdirmek.

**ÖRKLÄBERMEK** [örüklä:vermek], *işl.* Örkläp başlamak.

**ÖRKLI** [örüklü], *hal.* **1**. Otlamak üçin otly ýerde baglanyp goýlan, daňlyp goýlan. *Bir ýigit örkli duran iş ýabylaryndan birini münüp, gala bakan ýüzin salyp gidýär* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Bendiwan; ýüpsüz daňlan, bagly, golgarama. *Nirä gitsem, çekip dursuň erşimden, Ömürboýy örkli saňa ýüregim* (M. Seýidow).

**ÖRKLÜLIK** [örüklülük], *at.* **1**. Örklenilip goýlan halda bolmaklyk. **2**. Garaşlylyk, baglylyk, golgaramalyk.

**ÖRKÜÇ**, *at.* **1**. Düýäniň arkasyndaky ýag gatlagyndan emele gelýän gerşi. *Dogrudan hem, ýükçi arwanalaryň ýük çekmekden ýaňa örküjiniň gapdallary ýagyr bolardy* (A. Gowşudow). **2**. Dagyň, suw tolkunlarynyň, depäniň we ş.m. beýgelýän ýeri, gerşi. *Syrgyn süren gar depeleriniň kesmir-kesmir örküçleri Garagumuň ürgün gum depelerini ýadyňa salýardy* (B. Gurbanow). **3**. *göç.m.* Bir döwrüň, paslyň ýa-da wakanyň çürbaşy, depesi, aýgytly wagty. *Gyşyň örküjinde güpläp, agyr gar düşýär.*

**ÖRKÜÇLEK** [örküşlök], *syp.* **1**. Uly örküçli, örküji uly. *Örküçlek düýe.* **2**. Gerşi uly bolan, örküji has belent bolan. *Ol örküçlek gaýanyň ýüzünden towsup, Sumbara düşdi* (B. Soltannyýazow).

**ÖRKÜÇLEME** [örküşlömö], *iş ady.* Örküçlemek ýagdaýy.

**ÖRKÜÇLEMEK** [örküşlömök], *işl.* Tolkun sebäpli suwuň ýüzünde uly-uly geriş emele gelmek. *Şemal turup, örküçläp ugran gomlar birneme howatyr etdirýärdi.*

**ÖRKÜÇLEÝIŞ** [örküşlöýüş], *iş ady.* Örküçlemek ýagdaýy.

**ÖRKÜÇLÄBERMEK** [örküşlä:vermek], *işl.* Örküçläp başlamak (tolkun hakynda)

**ÖRKÜÇLI** [örküşlü], *syp.* **1**. Örküji bar bolan. *Iki örküçli düýe.* **2**. Tümmerip duran gerişli, beýgelip, saýlanyp duran. *Onuň örküçli burnunyň ýanyndaky duluklary ýiti gözlerini has kiçeldip görkezýärdi.*

**ÖRLÜK** [ö:rlük], *at.* Gäminiň ortasyndaky ýelken çekilýän uzyn agaç.

**ÖRME** [ö:rme], **1**. *iş ady.* Örmek ýagdaýy. **2**. *at, ser.* **Örüm 1**. *Gözüňe sürme ýaraşar, Biliňe tirme ýaraşar, Saçyňa örme ýaraşar, Saçlary şamar Hatyja* (Seýdi). **3**. Örülip taýýarlanan, örülen. *Beýle gapdalymyzda çägesöw kenar boýunda örme kepbe bardy.*

**ÖRMEGAMÇY** [ö:rmöğamçy], *at.* Gaýyşdan örülen gamçy. *Bizde-de örme gamçy bardy.*

**ÖRMEGAPY** [ö:rmöğapy], *at.* Gamyşdan, hyşadan, teletinden örülip, yssyny, sowugy geçirmeýän gapy. *Güýçli ýel kaşaryň örmegapysynam böwsüp taşlady* (G. Şamyýew).

**ÖRMEK** [ö:rmök] **I**, *işl.* **1**. Ýörite çişler ýa-da örüji maşyn arkaly ýüplükden, ýüpden önüm taýýarlamak. *Gyzlar jorapdyr ellik örýärler.* **2**. Ilki başdan örjek saçyňy, köplenç, üçe bölüp, her bölegini barmaklaryň ujy bilen berk tutagada, beýleki böleginiň üstüne atmak arkaly biri-biriniň içinden geçirip, örüm görnüşine getirmek. **3**. Sebet we ş.m. ýasamak üçin ösümlik baldaklaryny biri-biriniň arasyndan geçirip birleşdirmek. *Sebet örmek.* **4**. Biri-biriniň üstüne tertipli goýup galdyrmak. *Çelekleri üstü-üstüne örmek. Ýorgan-düşekleri sandygyň üstünde örüp goýmak.* **5**. Daşdan, kerpiçden jaý galdyrmak üçin arasyna palçyk guýup, kerpiçleri biri-biriniň üstünde ýerleşdirmek, goýmak. *Kerpiç örmek.*

**ÖRMEK** [ö:rmök] **II**, *işl.* **1**. Gögerip çykmak, gögermek. *Men bolsa doguldym alabaharda, Dogupdyryn otlar ýaňy örende* (B. Hudaýnazarow). *Güýz ýagşyndan soň, depe-düzlere gök ot ördi.* **2**. Bedende, tende her hili düwürtik, örgün peýda bolmak. *Çagajygyň bedenine örgün örüpdir.* **3**. Köpçülükleýin aýak üstüne galmak, ýerinden turmak, turup bir ýana gönükmek. *Ýatan goýunlar şagallardan ürküp, tapyrdaşyp örýärdiler* ("Edebiýat we sungat"). *Toýa gelen adamlar nahar iýenlerinden soň agzybirlik bilen ördi.* **4**. Ukudan soň ýeriňden galmak, turmak, ýatyp turmak. *Ine, şol gün obanyň çagalary öňküsinden hem ir ördüler* (H. Ysmaýylow). *Sag-aman ördüňizmi?*

**ÖRMEKLIK** [ö:rmöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Örmek ýagdaýy.

**ÖRMEZLIK** [ö:rmözlük], *işl.* Örmek hereketi amala aşmazlyk.

**ÖRŇEDILMEK** [örňödülmök], *işl.* Köpeldilmek (mal hakynda).

**ÖRŇEME** [örňömö], *iş ady.* Örňemek ýagdaýy.

**ÖRŇEMEK** [örňömök], *işl.* Sany köpelmek; sany artmak. *Maldarçylyk ösýär bizde, Goýun-guzy örňäp düzde* (A. Salyh). *Meniň malym hem örňäp başlapdyr* (H. Derýaýew).

**ÖRŇEMEZLIK** [örňömözlük], *iş ady.* Köpelmezlik.

**ÖRŇETMEK** [örňötmök], *işl.* Sanyny köpeltmek, artdyrmak. *Toklularymyzyň galanjalaryny bolsa örňederis* (B. Öwezow).

**ÖRŇEÝIŞ** [örňöýüş], *iş ady.* Örňemek ýagdaýy.

**ÖRŇÄBERMEK** [örňä:vermek], *işl.* Örňäp başlamak, köpelip ugramak.

**ÖRTÜNJEK** [örtünjök], *at.* **1**. Aýallaryň başyna atýan uly gyňajy, örtünje, ýapynja. **2**. Howut ýyrtylmazlyk üçin onuň üstünden atylýan deri ýa-da keçe bölegi.

**ÖRT: ört almak** oda çawlanyp ýanmak, köýmek. *Ört alan gamşyň ýalny onuň arasyndaky çygar gyzganyň hem pudaklaryny köýdürjekdi* (B. Kerbabaýew). **Ört bermek** oda çawlap ýakmak, köýdürmek. *Bütin töweregi ört berlen ýaly garaldyp taşlady.* **Gara ört bolmak** gara ýanyk bolmak. *Günüň aşagynda işlänsoň, onuň ýüz-gözi gara ört bolupdyr.*

**ÖRTDÜRMEK** [örtdürmök], *işl.* Örtmek işini başga birine etdirmek.

**ÖRTEME** [örtömö], *iş ady.* Örtemek ýagdaýy.

**ÖRTEMEK** [örtömök], *işl.* Gaty gynandyrmak, bagryny ýakmak, janyny ýakmak, ýakmak. *Serwi daragt boýly peri, Seni hijran örtedi* (Magtymguly).

**ÖRTEMEKLIK** [örtömöklük], *iş ady.* Örtemek ýagdaýy.

**ÖRTEMEZLIK** [örtömözlük], *iş ady.* Gaty gynandyrmazlyk, bagryny ýakmazlyk, janyny ýakmazlyk, ýakmazlyk.

**ÖRTENDIRMEK** [örtönnürmök], *işl.* Gaty gynandyrmak, janyny ýakmak, ýakmak.

**ÖRTENIŞMEK** [örtönüşmök], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde örtenmek.

**ÖRTENMEK** [örtönmök], *işl.* Gaty gynanmak, ýanmak, janyňy ýakmak. *Pyrakyňda örtenip, geldim zybana, dilber* (Mollanepes). *Derdim güýçli, men örtenmän nädeýin, Gowga köpdür syna-başyň içinde* (Zelili).

**ÖRTEÝIŞ** [örtöýüş], *iş ady.* Örtemek ýagdaýy.

**ÖRTÄBERMEK** [örtä:vermek], *işl.* Birini örtäp başlamak.

**ÖRTGI** [örtgü], *at.* **1**. Aýal-gyzlaryň başyna örtünmek, bürenmek üçin niýetlenen ýaglyk. **2**. Bir zadyň üstüni, ýüzüni, daşyny örtmek, ýapmak üçin ulanylýan zat. *Otaga giren ýeriňde üsti ak örtgi ýapylan stol dur* (A. Gowşudow).

**ÖRTGÜLI** [örtgülü], *syp.* Örtgüsi bolan, örtgi atylan, örtgi çekilen.

**ÖRTGÜLIK** [örtgülük], *syp.* Örtgi üçin niýetlenen, ulanylýan ( mata we ş.m. zat).

**ÖRTGÜN**, *at, kön.s.* Arpa-bugdaý gabygy.

**ÖRTI** [örtü], *at, ser.* **Örtgi**. *Çep böwürde örtüsi ýyrtylyşan köne kürsi durdy* (G. Kulyýew).

**ÖRTME** [örtmö], *iş ady.* Örtmek ýagdaýy.

**ÖRTMEK** [örtmök], *işl.* **1**. Üstüni ýapmak, üstüni büremek. *Çagajyk süýtli küýzäniň agzyny akja mata bilen örtdi.* **2**. Ýüzüne ýazylyp ýatmak, üstüni basyrmak, ýüzüni tutmak. *Depe-düzi gar örtüpdir.* **3**. Öňüni tutmak, öňüne gabat bolmak, ýüzüne perde bolmak. *Lemmer-lemmer gara bulutlar tutaşyp, asmanyň ýüzüni örtüpdi* ("Edebiýat we sungat").**4**. *göç.m.* Ýaşyrmak, gizlemek, bassyr-bussur etmek. *Hakykatyň üstüni örtmek ýagşy däl.*

**ÖRTMEKLIK** [örtmöklük], *iş ady.* Örtmek ýagdaýy.

**ÖRTMEN** [örtmön] *at.* **1**. Ýüke ýapmak, ýüküň üstüni örtmek, dula germek üçin öýdelip dokalýan haly önümi. **2**. Gelinleriň gyňaç daňynmagyň ýerine başyna atynýan ýaglygynyň, gyňajynyň umumy ady, örtgi.

**ÖRTMEZLIK** [örtmözlük], *işl.* Üstüni ýapmazlyk, büremezlik, öňüni tutmazlyk.

**ÖRTÜBERMEK** [örtüvermek], *işl.* Üstüni ýapmaga, büremäge, öňüni tutmaga başlamak.

**ÖRTÜK**, *at, ser.* **Örtgi 1**, **2**. *Örtügi ýaşyldyr, geýdigi ala, Boýy Selbä meňzär, kamaty tala* ("Saýatly – Hemra"). *Tamyň demir örtügine degýän ýagyş damjalary onuň beýnisinde şatyrdaýana döndi* (B. Kerbabaýew).

**ÖRTÜKLI** [örtüklü], *syp., ser.* **Örtgüli**. *Ol öýe girip, üsti örtükli stoluň başyna geçip oturdy* (B. Soltannyýazow).

**ÖRTÜLGI** [örtülgü], *syp.* Üsti bir zat bilen ýapylan, üstüne bir zat bürelen, örtülen. *Onuň gözüne ak mata bilen örtülgi tegelek stoluň üstünde duran owadan güldandaky bir desse çemen seçelenip göründi* (N. Pomma).

**ÖRTÜLI** [örtülü], *syp., ser.* **Örtgüli**. *Otaga giren ýeriňde üsti ak örtüli kürsi dur* (A. Gowşudow).

**ÖRTÜLIK** [örtülük], *syp.* Örti, örtgi üçin ulanylýan (mata we ş.m. zat).

**ÖRTÜLMEK** [örtülmök], *işl.* **1**. Üsti ýapylmak, bürelmek. *Ýeke depeler däl, meýdanlaryň hemme ýeri hem gar bilen örtülipdi. Ýol taýgançak buz bilen örtüldi.* **2**. Öňi tutulmak, öňüne gabat bolmak, ýüzüne perde bolmak. *Duýdansyzlykda ýel turdy, bütin asman hem bulut bilen örtüldi.* **3**. Ýaşyrylmak, bassyr-bussur edilmek, gizlenilmek.

**ÖRTÜNJE** [örtünjö], *at.* Örtünmek, ýapynmak üçin örtgi, ýaglyk, gyňaç, ýapynja. *Adamlar örtünjelerini başlaryna bürenişip, yklaryny bakyşyp, döwüm-dişlem çörek iýdiler* (A. Gowşudow).

**ÖRTÜNMEK** [örtünmök], *işl.* Öz üstüňi ýapmak; başyňa atmak,bürenmek. *Uklapdyr düýürlenip ikijigi-de, Üstlerine örtünip köne jiltge* (A. Atajanow).

**ÖRTÜŞ**, *iş ady.* Örtmek ýagdaýy.

**ÖRTÜŞDIRMEK** [örtüşdürmök], *işl.* Köp zadyň üstüni örtüp çykmak, hemmesini örtmek.

**ÖRTÜŞMEK** [örtüşmök], *işl.* **1**. Bir zadyň üstüni örtmäge kömekleşmek. *Ol öýüň töründe duran gapyrjaklaryň üstüni örtüşdi.* **2**. Bilelikde örtmek.

**ÖRÜBERMEK** [ö:rüvermek], *işl.* Örüp başlamak, örüp ugramak.

**ÖRÜJI** [ö:rüjü], *at.* Örmek işini ýerine ýetirýän adam. *Obada kerpiç örüjileri, agaç ussalaryny taýýarlamak örän möhümdir.*

**ÖRÜJILIK** [ö:rüjülük], *at.* Örmek arkaly önüm taýýarlaýyş käri, hünäri.

**ÖRÜLEME** [ö:rülömö], *iş ady.* Örülemek ýagdaýy.

**ÖRÜLEMEK** [ö:rülömök], *işl.* Örüde gezmek, örüde otlamak. *Aşyň içen derlesin, Süriň gumda örülesin* (Halk döredijiliginden).

**ÖRÜLEMEZLIK** [ö:rülömözlük], *iş ady.* Örüde otlamazlyk, örä goýberilmezlik.

**ÖRÜLEÝIŞ** [ö:rülöýüş], *iş ady.* Örülemek ýagdaýy.

**ÖRÜLETMEK** [ö:rülötmök], *işl.* Mallary örüde gezdirmek, bakdyrmak. *Gyş aýlarynda sürini şolar ýaly oýlukda örüledýärin.*

**ÖRÜLMEK** [ö:rülmök] *işl.* **1**. Aýak üstüne galynmak. *Tomusda ir örülip, yssy düşmänkä ähli işlerden dynylýar.* **2**.Ýatyp turulmak.

**ÖRÜM** [ö:rüm], *at.* **1**. Örmek şekili. *Goşa örüm saç. Jorabyň örümi*. **2**. Guýy gazylanda diwary opurylmazlyk üçin iç ýüzüne örülen sözen, ýylgyn.

**ÖRÜMLIK** [ö:rümlük], *syp.* Guýa örüm etmek üçin niýetlenen (sözen, ýylgyn we ş.m. zat)

**ÖRÜNMEK** [ö:rünmek], *işl.* Özüň üçin örmek. *Gelnejem özüne düýe ýüňünden ýeňsiz örünýär*.

**ÖRÜŞ** [ö:rüş], *iş ady.* Örmek ýagdaýy.

**ÖRÜŞMEK** [ö:rüşmök] **I**, *işl.* **1**. Örmäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde örmek (jorap, saç hakynda). *Men ejeme jorap örüşýärin. Gyzlar saçlaryny örüşip otyrdylar.*

**ÖRÜŞMEK** [ö:rüşmök] **II**, *işl.* **1**. Endamyňa, teniňe her hili düwürtikler örüp başlamak. **2**. Köpçülikleýin aýak üstüne galmak, yzly-yzyna turup başlamak. *Ýatan goýunlar örüşdi.*

**ÖRÜZIBERMEK** [ö:rüzüvermek], *işl.* Örüzip başlamak. *Sen goýunlaryňy örüziber, onýança menem süýdi basyraýyn.*

**ÖRÜZILMEK** [ö:rüzülmök], *işl.* **1**. Biynjalyk edilmek, gozgalaňa salynmak. *Bimahal eşidilen at aýaklarynyň sesine bütin oba örüzildi.* **2**. Ukudan oýarylmak, ýatanlar turzulmak.

**ÖRÜZIŞMEK** [ö:rüzüşmök], *işl.* Örüzmäge kömek etmek, ukudan oýaryşmak. *Sen ataňa sürini örüziş, ynha menem bararyn.*

**ÖRÜZME** [ö:rüzmö], *iş ady.* Örüzmek ýagdaýy.

**ÖRÜZMEK** [ö:rüzmök], *işl.* **1**. Aýak üstüne galdyrmak. *Ýöne, çykanyňyzdan at salyp, obany örüzäýmäň!* **2**. Ukudan oýarmak, ýatanlary turuzmak. *Ol daňdanyň ümüş-tamşynda örüzen sürüsine gözüni aýlady* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Üstüne goýbermek, küşgürmek. *Ýaşuly hem itleri örüzip goýberdi.*

**ÖRÜZMEKLIK** [ö:rüzmöklük], *iş ady.* Örüzmek ýagdaýy. *Atam maňa sürini daň atan badyna örüzmekligi tabşyryp gitdi.*

**ÖRÜZMEZLIK** [ö:rüzmözlük], *iş ady.* Aýak üstüne galdyrmazlyk, turuzmazlyk.

**ÖSDÜRIBERMEK** [össürüvermek], *işl.* **1**. Ösdürip başlamak, ösdürip ugramak. **2**. Ösdürmegi şu terzde dowam etdirmek. *Saýaly hem miweli agaçlary şeýdip ösdüriberseň, iliň alkyşyny alarsyň.*

**ÖSDÜRILMEK** [össürulmök], *işl.* **1**. Ekin, agaç we ş.m. ekilip ýetişdirilmek. **2**. Ekläp-saklanylmak, terbiýelenmek, kemala getirilmek. **3**. Köpeldilmek, artdyrylmak. *Maldarçylyk ösdürilýär.* **4**. Kämilleşdirilmek, ýaýbaňlandyrylmak, gowu-landyrylmak, güýçlendirilmek, giňeldilmek.

**ÖSDÜRMEK** [össürmök], *işl.***1**. Ekin, agaç we ş.m. zatlary ekip ýetişdirmek. *Her kim öz öýüniň töwereginde ir-iýmişli bag ösdürip ýetişdirdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ekläp-saklap ulaltmak, terbiýeläp ýetişdirmek, kemala getirmek. **3**. Köpeltmek, artdyrmak. *Bizde hojalygyň ähli pudaklaryny ösdürmäge giň ýollar açyldy* (N. Jumaýew). **4**. Bir pikiri, ugry kämilleşdirmek, ýaýbaňlandyrmak, şol hakdaky düşünjäni giňeltmek, çuňlaşdyrmak. *Kemine öz döredijiliginde beýik şahyr Magtymgulynyň pikirlerini döwrüne görä ösdüripdir*. **5**. *göç.m.* Biriniň derejesini, wezipesini galdyrmak.

**ÖSDÜRMEKLIK** [össürmöklük], *iş ady.* Ösdürmek ýagdaýy.

**ÖSDÜRMEZLIK** [össürmözlük], *iş ady.* Ösdürip ýetişdirmezlik, ösmeginiň öňi alynmak,ösmez ýaly etmek.

**ÖSDÜRTMEK** [össürtmök], *işl.* Ösdürmek işini başga birine etdirmek; ösmek üçin mümkinçilik döretdirmek.

**ÖSER** [ösör], *at.* Ösümligiň dik ösýän göni baldagy.

**ÖSGÜN** [ösğün], *syp.* Has ösen, gytyk däl. *Ösgün ýorunja*.

**ÖSGÜNLIK** [ösğünlük], *at.* Boýy uzynlyk, boýy ýeten ýagdaýda bolmaklyk. *Sakgal-saçynyň ösgünligine garamazdan onuň ýüzüni-gözüni ýagtyltdy* (N. Pomma).

**ÖSME** [ösmö], *iş ady.* Ösmek ýagdaýy.

**ÖSMEK** [ösmök] **I**, *işl.* **1**. Gögerip boý almak. *Pisse agajy gaty haýal ösýär eken*. **2**. Terbiýelenip ulalmak, kemala gelmek, ýetişmek. *Olar bile oýnap, bile ösenmiş, Nirä gitse, bile aýak basanmyş* (M. Seýidow). **3**. Sany artmak, köpelmek. *Daýhan hojalygy bu ýyl geçen ýyldakysyndan iki esse ösdi*. **4**. Kuwwaty artyp berkemek, güllemek, pajarlamak. *Biziň pikirimizçe, mogollar imperiýasynyň ösmeginde Baýram han Türkmeniň ägirt uly goşandy bar* ("Türkmenistan"). *Biziň Bitarap döwletimiziň ösmegi, güllemegi halk döredijiligine hem täsir etdi* ("Nesil"). **5**. Kämilleşmek, öňe gitmek. *Türkmen edebiýaty ýyl geldikçe ösýär, kämilleşýär* ("Edebiýat we sungat"). **6**. Düşünjäň artmak, aňly-düşünjeli bolmak, medeniýetiň artmak. **7**. *göç.m.* Derejäň galmak, ýokary wezipä çekilmek.

**ÖSMEK** [ösmök] **II**, *işl., ser.* **Öwüsmek**. *Epgek ösüp, ýeri gyzgyn gora dönderdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÖSMEKLIK** [ösmöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Ösmek ýagdaýy.

**ÖSŇEMEK** [ö:sňömök], *işl.*, *ser.* **Örňemek**.

**ÖSSÜRIM** [össürüm], *at.* Ýaşlar, ösüp gelýän nesil, ýetginjekler. *Ýaş össürimlerden edilýän tama uly.*

◊ **Össürimine almak** puly, maly soň belli bir derejede artdyryp bermek şerti bilen almak. *Össürimine mal alyp idetmek.* **Össürimine bermek** puly, maly soň belli bir derejede artygy bilen, üstüne goşup almak şerti bilen bermek.

**ÖSÜBERMEK** [ösüvermek], *işl.* Ösüp başlamak.

**ÖSÜMLIK** [ösümlük], *at.* Toprakdaky hem-de howadaky jansyz maddalar bilen iýmitlenip ösýän organizm. *Medeni we ýabany ösümlikler.*

**ÖSÜMLIKÇILIK** [ösümlükçülük], *at.* Ekilýän oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek hakynda ylym we şeýle ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek işi, ekerançylyk.

**ÖSÜNTGI** [ösüntgü], *at.* **1**. Ösümligiň gögerip başlan bölegi, şinesi, şonuň ýaly-da, gögerip oturan agajyň, käbir ösümligiň düýbünden çykýan çybygy. *Gowaçanyň çigitleriniň ösüntgileri*. **2**. Bedeniň bir ýerine artyk çykan zat.

**ÖSÜŞ**, **1**. *iş ady.* Ösmek ýagdaýy. *Ekilen ekinleriň ösüşi gowy*. **2**. Bir ýagdaýdan has kämil ýagdaýa, ýönekeý ýagdaýdan çylşyrymly ýagdaýa, pes ýagdaýdan ýokary ýagdaýa geçiş derejesi. *Size hemişe ösüşler ýar bolsun*.

**ÖSÜŞMEK** [ösüşmök], *işl.* Birneme boý almak. *Otlar ösüşip ugrady.*

**ÖT** [ö:t], *at.* **1**. Bagyrdan bölünip çykýan sarymtyl-ýaşyl reňkli ajy suwuklyk. *Öt haltasy*. **2**. *gepl.d*. Şol ajy suwuklyk ýerleşýän barda şekilli haltajyk. *Ol ödüni kesdiripdir*.

◊ **Öt ýaly** örän ajy. *Gowy diýip alanym öt ýaly bolaýýar* (B. Seýtäkow). **Ödüni ýarmak** örän gaty gorkuzmak. *Gaty gygyryp, çagajygyň ödüni ýaraýma*.

**ÖTE** [ötö], *syp.* Çakdanaşa, hetdenaşa, artyk, aşa, gaty, gereginden artyk. *Doganoglan doga ýat, ondan önen öte ýat* (Nakyl).

◊ **Öte degmek** ýaman täsir etmek, erbet täsir galdyrmak. *Öz obadaşlaryndan şeýle gürrüňi eşitmek oňa ýüzükessir berlenden has öte degdi* (Ý. Mämmediýew). **Öte eşitmek** ýalňyş, nädogry eşitmek, aýdylan zada ters düşünmek. *Öte eşiden öý ýykar, çala eşiden – çatma* (Nakyl). **Öte geçmek** hetden aşmak, ýeterlik derejesinden geçmek, çenden çykmak. *Öte geçmegim mümkin, emma men şeýle deňeşdirmäni getirmän saklanyp biljek däl* ("Edebiýat we sungat"). **Öte gitmek** *ser.* **Öte geçmek**. *Hatda kellesiniň gyzgynyna öteräk gidýän wagtlary hem bolýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÖTEGÇI** [ötöğçü], *at.* Geçip, gidip barýan adam, ýolagçy, geçegçi. *Ötegçi myhman.*

**ÖTELGE** [ötölğö], *at.* Geçer ýaly, öter ýaly ýer, geçit, güzer, geçelge. *Ötelgeden geçilen ýerde bir topar adam eýýäm çadyr dikip, çaý gaýnadyp, nahar ataryp, başagaýdy* (G. Kulyýew).

**ÖTEN** [ötön], **1**. *işl.*Öň geçip giden, öň bolup geçen, öňki, ozalky. *Bulary alyp giden ulaglar öten agşamky barlyp gaýdylan oba bakan barýardy* (A. Gowşudow). **2**. *at, syp.* Bu dünýäde ýaşap geçen adam. *Ol ötenlerini, geçenlerini ýatlap sadaka berdi.*

◊ **Öten zaman** *dil b.*gymyldy-hereketiň geplenip durlan wagtyndan öň bolup geçendigini bildirýän, aňladýan işlik zamany.

**ÖTEN-GEÇENLER** [ötön-ğeçenler], *at.* Bu dünýäden öten adamlar, ata-babalar.

**ÖTÄGITMEK** [ötä:ğitmek / ötä:ýtmek], *işl.***1**. Gidibermek; yzyňa gitmek, gaýtmak. *Ýer taýyn edildi, ýatyň-da ertir irden ötägidiň* (B. Kerbabaýew). **2**. Kömekçi işlik hyzmatynda ulanyp, baglanyp gelýän işligi bilen birlikde hereketiň bada-bat berjaý bolýandygyny aňladýar. *Halk aýdymlaryny aýdanda welin, şaplaşýar ötägidýär* ("Edebiýat we sungat").

**ÖTÄÝTMEK** [ötä:ýtmek], *işl*., *ser*. **Ötägitmek**.

**ÖTGÜN** [ötgün], *syp*. **1**. Güýçli, çasly, batly, gaty (ses hakynda). *Dor alaşa ötgün bir ses bilen kişňedi.* **2**. *göç.m.* Gaty ýiti, görgür. *Onuň müji ýaly kiçijik kellesiniň çowly gulaklary, uçganakly ötgün gözleri onda aýratyn bir gujur bardygyny mälim edýärdi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Berk, täsirli. *Ol belki, ötgünräk jogap gaýtarardy* (B. Kerbabaýew). **4**. *göç.m.* Ýiti, güýçli, ýakyp barýan. *Güneşiň ötgün şöhlesi*.

**ÖTGÜR** [ötgür], *syp*. **1**. Gowy kesýän, ýiti, kütek däl. *Daglardan kuwwatly, derýa haýbatly, Ötgür almaz dişli, näheň sypatly* (Magtymguly). **2.** *göç.m.* Batly, gaty, çasly, ötgün. *Onuň sesi nähili pessaý bolsa-da, Aýna ol bir hili ötgür, bir hili kuwwatly bolup eşidildi* (B. Kerbabaýew). **3.** *göç.m.* Berk, kesgitli, hiç hili sypaýyçylyk etmän.*Ol ýene-de bir zatlar aýtmak isledi, emma has ötgür jogap berler öýdüp gorkdy* (G. Kulyýew). **4.** *göç.m.* Içiňden geçip barýan ýiti, täsirli. *Ol ötgür gözleri bilen garady.* **5.** *göç.m.* Gowy eşidýän, sähelçe sesi syzýan, aňşyrýan, ýiti. *Ol şemalsyz, gymyldysyz, asuda garaňkynyň içinde näçe diňirgese-de, onuň ötgür gulagyna ses-de gelmedi, çybşyldy-da eşidilmedi* (B. Kerbabaýew). **6.** *göç.m.* Ýaman azar çekdirýän, awundyryjy, agyryly. *Odum ötgür, derdim köp, Hoş wagt bolup gülmez men* (Magtymguly).

◊ **Ötgür degmek** berk täsir etmek, örän agyr degmek.

**ÖTGÜRLIK** [ötgürlük], *at.* **1**. Gowy kesijilik, kütek dällik, ýitilik, kesgirlik. *Bu pyçagyň ötgürligi çakyň däl.* **2**. *göç.m.* Çakdanaşa täsirlilik, berk täsir edijilik, ýiti manylylyk. *Aňyň ötgürligi*. **3**. *göç.m.* Gowy görüjilik, ýitilik, görgürlik. *Gözüň ötgürligi*. **4**. *göç.m.* Gowy eşidijilik, sähelçe sesi syzyjylyk, aňşyryjylyk, ýitilik. *Gulagyň ötgürligi*.

**ÖTGÜSIZ** [ötgüsüz], *syp.*Bagyşlap bolmaýan, ötülip-geçilmeýän, bagyşlanylmaýan. *Ötgüsiz ýazyk – başa horluk* (Nakyl).

**ÖTHALTA** [ö:thalta], *at.* Bagryň aşagynda öt ýygnanýan haltajyk.

**ÖTLE** [ö:tlö], *at.* Öthalta sowuklamasynda az wagtlyk içiňden tutýan güýçli sanjyly agyry. *Birimizi ötle tutup ýatyr* (B. Seýtäkow).

**ÖTLEM** [ötlöm], *syp.* **1**. *ser.* **Ötlem-ötlem 1**, **2**. *Ol ony öz maşgalalarynyň ýaşaýan ötlem tamlarynyň birinde ýatyrdy* (B. Kerbabaýew). *Dag ötlemleri*.

**ÖTLEM-ÖTLEM** [ötlöm-ötlöm], *syp.*Biri-biriniň içinden geçilýän birnäçe otagdan ybarat; birnäçe ötlem (tam hakynda ). *Häzir ötlem-ötlem otagly jaý*.

**ÖTME** [ötmö] **I**, *iş ady.* Ötmek ýagdaýy.

**ÖTME** [ötmö] **II**, *iş ady.* Ötmek, awuşamak ýagdaýy.

**ÖTME** [ötmö] **III**, *iş ady.* Ötmek, kesip bilijilik ýagdaýy.

**ÖTMEK** [ötmök] **I**, *işl.* **1**. Deňinden, duşundan, üstünden we ş.m. geçip gitmek, geçmek.*Ýol üstünde ölsem, ýola atsalar, Razy men üstümden basyp ötseler* (Magtymguly). **2**. Geçmek, geçip gitmek (wagt hakynda). *Ýagşy günler müň ýyl geçse, az görner, Ýaman günler az hem bolsa, ötmez hiç* (Magtymguly). *Müň ýyl ötüp, ýene döräp, şol şahyr, Aşyk, daýhan bolup dowam ederin* (G.Ezizow). *Öten ýyl ilkinji, / Bu ýyl ilkinji, Soň ýene ilkinji müdimi, garym!* (G. Ezizow). **3**. *gepl.d.* Bagyşlamak. *Men seniň günäleriňi ötýärin.* **4**. *göç.m.* Ýaşap geçmek, ölüp gitmek. *Pederim Azady ötdi, galmady käbäm enem* (Magtymguly). *Söýüşdiler, uruşdylar – ötdüler, Menem seni söýüp, öterin, daglar!* (G. Ezizow). **5**. *gepl.d.* Ýerlenmek, geçmek. *Ötmän oturan gyzymyz ýok.*

**ÖTMEK** [ötmök] **II**, *işl.* Bedeniňi awuşatmak, bedeniňe ýiti täsir etmek, agyrtmak. *Ýod ýara ötýär.Sogan arassalananda ajysy gözüňe ötýär.*

**ÖTMEK** [ötmök] **III**, *işl., gepl.d.* Kesip bilmek, gowy kesmek.

**ÖTMEKLIK** [ötmöklük] **I, II, III,** *iş ady.* Ötmek ýagdaýy; awuşamak ýagdaýy; kesmek ýagdaýy.

**ÖTMEZLIK** [ötmözlük] **I**, **II**, **III**, *iş ady.* Deňinden, duşundan geçmezlik; gözüňi we ş.m. awuşatmazlyk, agyrtmazlyk; kesip bilmezlik, kesmezlik. *Pyçak şeýle bir kütelipdir weli, salan zadyňa ötenok.*

**ÖTRI** [ötürü] **I**, "Sebäpli, zerarly, görä, üçin" ýaly manyda ulanylýan kömekçi söz. *Ol sizi synamakdan ötri aýtdy* ("Görogly").

**ÖTRI** [ötürü] **II**, *köm. s., k.d.* Garşy, ýüzbe-ýüz, gabat. *Durar köňlüm aha ötri, barar eşkim bolup ju-ju* (Andalyp).

**ÖTÜBERMEK** [ötüvermek], *işl.* Deňinden, duşundan, üstünden geçip gidibermek, geçibermek.

**ÖTÜK**, *at.* Bir zadyň aşagyndan, düýbünden geçýän köwek, deşik, ötelge, geçelge. *Şonluk bilen, howlynyň daşyna aýlanyp, ahyr bir ýerde suw akan ötügi tapyp, baga girdi* (Halk ertekisinden).

◊ **Ötügiňden ötmek** derrew ýadyňdan çykmak. *Saňa aýdylan zat derrew ötügiňden ötäýýär öýdýän.*

**ÖTÜLMEK** [ötülmök], *işl.* **1**. Deňinden, duşundan, üstünden geçilmek. **2**. Bäsleşikde, ýaryşda ozulmak, üstün çykylmak. **3**. *gepl.d.*Günäsi geçilmek, bagyşlanylmak. *Bir pire gol bersem: Günämiň ötülmegine, ýalkanmagyma sebäpkär bol diýip, ýalbarsam diýýän* ("Myraly").

**ÖTÜMLI** [ötümlü], *syp.* Berk, täsirli. *Ýagşa ýakymly bolsun, ýamana ötümli bolsun* (H. Derýaýew).

**ÖTÜN: ötünini almak** bir zadyň rugsadyny almak.

**ÖTÜNÇ**, *at.* Günäň ýa-da bir ýalňyşlygyň we ş.m. geçilmegini, ötülmegini sorap edilýän haýyş, towakga. *– Meniň günämi öt, atam – diýip, ol kakasyndan ötünç sorady* (T. Taganow).

**ÖTÜNMEK** [ötünmök], *işl.* Ötünç soramak, eden ýalňyşlygyň bagyşlanmagyny soramak.

◊ **Uzur** ötünmek *ser.* **Uzur**.

**ÖTÜRILMEK** [ötürülmök], *işl.* Bir zadyň içinden geçirilmek. *Iňňä sapak ötürilmek.*

**ÖTÜRIMINE** [ötürümünö]: **ötürimine botlamak** ýylda bir gezek botlamak (bolmalysy ýylaşa). *Düýämiz ötürimine botlady.*

**ÖTÜRINMEK** [ötürünmök], *işl.* Bir zady özüň üçin ötürmek, öz bir zadyňy ötürmek. *Ol iliklerini ötürinip, daşaryk çykdy. Ene iňňä sapak ötürinip, tikin-çatyn işleri***ne** *bilen gümra boldy.*

**ÖTÜRIŞMEK** [ötürüşmök], *işl.* **1**. Ötürmäge kömekleşmek. *Gyzy ejesine iňňe sapak ötürişdi.* **2**. Birden köp bolup bilelikde ötürmek. *Olar äýneklerini ötürişip, Magtymgulynyn kitabyny okaşyp otyrdylar.*

**ÖTÜRME** [ötürmö], *iş ady.* Ötürmek ýagdaýy.

**ÖTÜRMEK** [ötürmök], *işl.* **1**. Bir zadyň içinden, üstünden geçirmek. *Ol ertir irden ejesi we kakasy bilen hoşlaşyp, düwünçekli ýaglygyna taýagy ötürip egnine atdy* (A. Durdyýew). **2**. Dakynmak. *Äýnegini ötürip, köne kagyzlary agtarmaga başlady* (A. Gowşudow). **3**. Dakmak, geýdirmek, ildirmek. *Gyzyň barmagyna ýüzük ötürmek.* **4**. Belli bir pursady geçirmek. *Ýalançyny hasrat bilen ötürmäň* (Magtymguly). *Ötürip men ýigitligiň baharyn, Gutulmak ýok garrylygyň gyşyndan* (Magtymguly). *Men bütin ömrümi ussaçylyk bilen ötürdim* (H. Derýaýew). **5**. Geçirip goýbermek, bir zadyň içi, üsti we ş.m. bilen alyp geçmek, äkitmek.

**ÖTÜRMEZLIK** [ötürmözlük], *işl.* Ötürmek işini ýerine ýetirmezlik.

**ÖTÜŞ I**, *iş ady.* Ötmek ýagdaýy.*Ýoduň ötüşi güýçli.*

**ÖTÜŞ II**, *iş ady.* Ötmek, awuşamak ýagdaýy. *Ýaraňa çalnan dermanyň ötüşi nähili?*

**ÖTÜŞ III**, *iş ady.* Ötmek, kesmek ýagdaýy.

**ÖTÜŞMEK** [ötüşmök], *işl.* **1**. Bir zadyň wagty, möhleti, pursaty geçeňkirlemek. *Ýaş ötüşip, paltaň ýüzi gaýdansoň, Çöpem oňa aňsat özün çapdyrmaz* (M. Seýidow). **2**. Öte bişmek, gaty bişip zaýalanyp başlamak. *Bu garpyz birneme ötüşipdir.* **3**. Beterlemek (kesel hakynda). *Bu kesel haýdan-haý aýrylmaz, sebäbi ötüşipdir.*

**ÖWDAÝ** [öwda:ý], *at, ser.* **Öwzaý**. *Myrat jan, gaty seresap bolaweri, onuň öwdaýy bozukmyş* (B. Seýtäkow).

**ÖWDÜRMEK** [öwdürmök], *işl.* Öwmäge mejbur etmek, başga biriniň öwmegini gazanmak, magtatmak.

**ÖWEÇ** [öwöç], *at.* Üç ýaşyna giden, üç ýaşyň içindäki goýun. *Men seniň üçin iki sany semiz öweç daňyp goýdum* (T. Taganow).

**ÖWEÇLEDILMEK** [öwöşlödülmök], *işl., gepl.d.* Dowaryň art aýagy galdyrylyp, iki öň aýagynyň üstünde ýöredilip alnyp gidilmek.

**ÖWEÇLEME** [öwöşlömö], *iş ady.* Öweçlemek ýagdaýy.

**ÖWEÇLEMEK** [öwöşlömök], *işl., gepl.d.* Dowary art aýagyny galdyryp, ony iki öň aýaklarynyň üstünde ýöredip alyp gitmek. *Işşegi öweçläp alyp gitmek.*

**ÖWEÇLETMEK** [öwöşlötmök], *işl.* Öweçlemek işini birine etdirmek. *Ol goýunlary öweçledip alyp gitdi.*

**ÖWEÇLEÝIŞ** [öwöşlöýüş], *iş ady.* Öweçlemek ýagdaýy.

**ÖWELEK** [öwölök], *syp.* **1**. Agzyny öweldip ýören. *Öwelek oglan.* **2**. Oglana dakylýan at.

**ÖWELIBERMEK** [öwölüvermek], *işl.* Öwelip başlamak.

**ÖWELIŞ** [öwölüş], *iş ady.* Öwelmek ýagdaýy.

**ÖWELIŞMEK** [öwölüşmök], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde öwelmek. *Maşynyň töwereginde öwelişip duranlar bize bir laý göz gezdirdi* (R. Gelenow).

**ÖWELME** [öwölmö], *iş ady.* Öwelmek ýagdaýy.

**ÖWELMEK** [öwölmök], *işl.* Geňirgenmek bilen birine ýa-da bir zada aňkarylyp durmak. *Owelip durmaň nämäň alamaty?*

**ÖWELMEZLIK** [öwölmözlük] *iş ady.* Aňkarylyp seretmezlik.

**ÖWELTMEK** [öwöltmök]: **agzyňy öweltmek** haýran galmak, aňkarmak. *Ol çaga ýaly agzyny öweldýärdi* (N. Jumaýew).

**ÖWERLI** [öwörlü], *syp., ser.* **Öwerlik**. *Haçan berseňem bolardy welin, şu mahal meniňem ýagdaýym öwerli däl* (T. Gurbanow).

**ÖWERLIK** [öwörlük], *syp.* Öwgä mynasyp, taryp ederlik, öwerlikli, öwerli, öwer ýaly. *Onuň ýüzüniň hyýrsyz bolşy ýaly, häsiýeti hem öwerlik däldi* (G. Gurbansähedow).

**ÖWERLIKLI** [öwörlüklü], *syp.* Öwerlik, öwer ýaly, öwgä mynasyp. *Sen öwerlikli iş ýazmansyň.*

**ÖWEÝ** [öwöý], *syp.* **1**. Hakyky enesi, atasy däl-de, enelik, atalyk edýän. *Men sowugy bilmedim, yssyny bilmedim, enesi öweý diýdirmejek bolup, ody özüme basdym* (B. Kerbabaýew). **2**. Ogullyga, gyzlyga alnan. *Öweý ogul. Öweý dogan..*

**ÖWEÝLIK** [öwöýlük], *syp.* Maşgala gatnaşygynda öweýiň ýagdaýy.

**ÖWEZ** [öwöz], *hal.* **1**. *ser.* **Öwezine**. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Öwezini dolmak**alan zadyň ýerine şonça gymmaty bolan başga zat bermek, ýerinde goýmak. *Näsazlyklary aradan aýyrmak üçin, çykdajylaryň öwezini dolmak boýunça borçnamany öz üstüne alýar* ("Türkmenistan"). **Öwezini çykarmak** hutma-hut bolmak, ýerine salmak, haklaşmak. *Olar göýä aýralyk günleriniň öwezini çykarmak isleýän ýaly, kän wagtlap bir jan, bir ten bolup, aýak üstünde gujaklaşyp durdular* (B. Seýtäkow). **Öwez ogluny bersin!** ýaş çaga aradan çykanda, onuň deregine "Allatagala ýene-de ogul bersin" diýlip aýdylýan dileg.

**ÖWEZALAMAN**, *at.* Köne döwürde ýesir düşen adamlary, sürlüp äkidilen mallary yzyna gaýtarmak maksady bilen ýörite gurnalýan çozuş.

**ÖWEZINE**[öwözünö], *hal.* Biriniň ýa-da bir zadyň deregine, ornuna, ýerine.

**ÖWGI** [öwğü], *at.* Biri ýa-da bir zat hakyndaky magtanç, taryp, mahabatly söz. *Öwgä mynasyp adam. Öwgüsini ýetirmek.*

**ÖWGÜLI** [öwğülü], *syp.* Öwgä mynasyp bolan, tarypl y. *Öwgüli ýigit. Öwgüli söz.*

**ÖWH**, *üml.* **1**. Endamyňa sowuk suw, sowuk howa birden, duýdansyz täsir edende aýdylýar. – *Öwh-eý, daşaryň sowugy içiňden-bagryňdan geçip barýar* (A. Durdyýew). **2**. Gynanç, gam-gussa, ýadawlyk ýaly duýgular basmarlanda aýdylýar. *Akjagül "öwh" çekip turanyny özi-de duýman galýardy* (A. Gowşudow).

**ÖWHA** [öwha:], *üml., ser.* **Öwh**. *Öwez diýip, etdim öwhany, Aglama Gyrat, aglama!* ("Görogly").

**ÖWHÜLDEME** [öwhüllömö], *iş ady.* Öwhüldemek ýagdaýy. *Ol duýdansyz eşidilen öwhüldemä tisginip gitdi.*

**ÖWHÜLDEMEK** [öwhüllömök], *işl.* Öwh çekmek, "öwh" edip dem almak, öwhüldemek ýagdaýy. *Öwhüldäp dem alanda, agzyndan tütün çykdy* (B. Kerbabaýew).

**ÖWHÜLDEMEZLIK** [öwhüllömözlük], *iş ady.* Öwhüldäp dem almazlyk.

**ÖWHÜLDEŞMEK** [öwhüllöşmök], *işl.* Birnäçe ýa-da köp bolup öwhüldemek. *Sus oturan jemende birden öwhüldeşip ýerinden galdy*

**ÖWHÜLDEÝIŞ** [öwhüllöýüş], *iş ady.* Öwhüldemekýagdaýy. *Garry enäniň ahmyrly öwhüldeýşi bagryňy dilip barýardy.*

**ÖWHÜLDÄBERMEK** [öwhüllä:vermek], *işl.* Öwhüldäp dem alybermek.

**ÖWHÜLDI** [öwhüllü], *at.* "Öwh-öwh" edilende çykýan sesiň ady. *Onuň öwhüldisi eşidilip durdy.*

**ÖWHÜLDILI** [öwhüllülü], *syp.* Öwhüldi bilen ýüze çykýan. *Daň atýança onuň öwhüldili üsgülewügi ýatmady.*

**ÖWLAT** [öwla:t], *at.* **1**. Köneden gelýän düşünjä görä, asly yslam dininiň keramatly wekillerinden gaýdýan etnik topar. **2**. Nesil. *Alla janlarym, bu oglan ýöne-möne kişiniň öwladyndan däl eken* ("Görogly"). **3**. Çaga, perzent, ogul-gyz. *Gyz-gözelden mahbup istär hem öwlat* (Magtymguly). *Öwladyň ýas tutar üç gün ýol garap, Tabydyň şaýlarlar sel-sele orap* (Kemine).

**ÖWLATLYK** [öwla:tlyk], *at.* Öwlat bolmaklyk, öwlat nesline degişlilik. *Garaçydan öwlatlyga ýetişse, seniň başga näme armanyň bar!* (B. Kerbabaýew).

**ÖWLÜÝÄ** [öwlüýä:], *at.* **1**. Ölen adamlaryň jaýlanýan ýeri, gonamçylyk, mazarystan. **2**. Keramatly hasaplanýan ýer. – *Wah, öýde näme günä bar, öý öwlüýä diýlenidir* (A. Gowşudow). **3**. *k.d.* Allatagala ýakyn adamlar.

◊ **Öwlüýä kessin** öz mamlalygyň subutnamasy hökmünde aýdylýan söz.

**ÖWLÜÝÄÇILIK** [öwlüýä:çilik], *at.* Gonamçylyk, mazarçylyk, mazarystan. *Salym geçip-geçmän, olar öwlüýäçiligiň çetinden girdiler* (G. Kulyýew).

**ÖWME** [öwmö], *iş ady.*Öwmek ýagdaýy.

**ÖWMEK** [öwmök], *işl.*Birini, bir zady ýa-da bir ýeri taryp etmek, magtamak, biriniň adyna öwgüli sözler aýtmak. *Ökde senetkär diýip türkmenleriň gelini, Dagystanda öwdüler, läläm, seniň eliňi* (M. Seýidow).

◊ **Öwüp arşa çykarmak** çendenaşa öwmek, gaty taryplamak. *Ol ony öwüp arşa çykardy* (N. Saryhanow).

**ÖWMEKLIK** [öwmöklük], *iş ady.* Öwmek ýagdaýy.

**ÖWMEZLIK** [öwmözlük], *iş ady.* Taryp etmezlik, öwgüli söz aýtmazlyk,

**ÖWNERLIK** [öwnörlük], *syp., at.* Öwner ýaly, öwünmek üçin. *Ol pahyryň-da öwnerlik ýagdaýy ýokdy* (R. Alyýew).

**ÖWNÜBERMEK** [öwnüvermek], *işl.* Öwnüp ugramak; öwünmegi dowam etdirmek. *Beýle-de bir öwnübermek bolarmy?*

**ÖWNÜŞMEK** [öwnüşmök], *işl.* Birnäçe bolup öwünmek.

**ÖWRANMA-ÖWRAN** [öwra:nma-öwra:n], *hal, ser.* **Öwran-öwran**. *Oturdy biz bilen ýaşajyk myhman, Öpdük ýaňagyndan öwranma-öwran* (K. Gurbannepesow).

**ÖWRAN-ÖWRAN** [öwra:n-öwra:n], *hal.* Hereketiň birnäçe gezek gaýtalanýandygyny aňladýan söz, gaýta-gaýta, yzly-yzyna, zol-zol, birnäçe gezek. *Ol garry atasynyň: "Illeriň ýygşyna syn ederler" diýen sözlerini makullap, içinden öwran-öwran gaýtalady* (G. Gurbansähedow).

**ÖWRE** [öwrö], **1**. *syp.* Ýoluň ugrunda däl-de, ýoldan sowarak ýerleşýän (jaý, öý, oba we ş.m. hakynda). *Size barmak kynrak, ýaşaýan ýeriňiz öwre bolýar.* **2**. *hal.* Öwran-öwran.*Ol bujagaz haty üç-dört öwre okady* ("Edebiýat we sungat").

**ÖWREDIBERMEK** [öwrödüvermek], *işl.* Öwredip başlamak; öwretmegi dowam etdirmek.

**ÖWREDIŞ** [öwrödüş], *iş ady.* Öwretmek ýagdaýy. *Onuň dil öwredişi-hä gaty gowy.*

**ÖWREDIŞMEK** [öwrödüşmök], *işl.* Öwretmäge kömek bermek; bilelikde öwretmek.

**ÖWRENDEKLI** [öwrönnöklü], *syp.* Bir zady endik edinen, endik bolup galan. *Görüp otursak, ol janawar öwrendekli eken* (T. Gurbanow).

**ÖWRENIBERMEK** [öwrönüvermek], *işl.* Öwrenip başlamak, yzygiderli öwrenmek. *Ilki sap ene dilinde gürlemäni oňarsyn, soň gerek bolsa özge halkyň on dilini öwrenibersin*("Türkmen dili").

**ÖWRENILMEK** [öwrönülmök], *işl.* **1**. Okamak arkaly göz ýetirilmek, okuw geçilip özleşdirilmek; elýeterli ýollaryň hemmesinden peýdalanylyp, başarnyk, endikler ele alynmak. *Türkmen dili öwrenilmek. Senet öwrenilmek.* **2**. Ylmy derňew ýoly bilen barlanylmak. **3**. Ünsli synlamak arkaly göz ýetirilmek. *Ýagdaýlar öwrenilýärdi.*

**ÖWRENIŞ** [öwrönüş], *iş ady.* Öwrenmek ýagdaýy. *Seniň daşary ýurt dilini öwrenişiň maňa ýarady.*

**ÖWRENIŞDIRMEK** [öwrönüşdürmök], *işl.* **1**. Birini özüňe ysnyşdyrmak, öwrendekli etmek. **2**. Endiklietdirmek. *Ýekelik bilen-de öwrenişdi Gözel* (A. Kekilow). **3**. Täze ýagdaýa, durmuşa uýgunlaşdyrmak. *Ony täze ýagdaýa öwrenişdirmek gaty bir kynam bolmady.*

**ÖWRENIŞIBERMEK** [öwrönüşüvermek], *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan öwrenişip başlamak. *Bular biri-birine öwrenişiberipdirler. Ýat ýere öwrenişibermek bir bada aňsat düşmeýär.*

**ÖWRENIŞILMEK** [öwrönüşülmök], *işl.* **1**. Bir zada öwrenişip, ysnyşyp gitmek. **2**. Endik edilmek. *Ýekelik bilenem öwrenişilip gidilipdir.* **3**. Täze ýagdaýa, durmuşa uýgunlaşmak.

**ÖWRENIŞME** [öwrönüşmö], *iş ady.* Öwrenişmek ýagdaýy.

**ÖWRENIŞMEK** [öwrönüşmök], *işl.* **1**. Ýuwaş-ýuwaşdan ysnyşmak, ysnyşyp başlamak. *Şeýdip, ikisi öwrenişdi-de gidiberdi.Ol saňa, çagalaryňa öwrenişen eken.* **2**. Endik edip başlamak, öwrendekli bolup başlamak. *Ýekelik bilen öwrenişmek.* **3**. Täze ýagdaýa, durmuşa uýgunlaşmak. *Ol indi Türkmenistan bilen kemsiz öwrenişdi.*

**ÖWRENIŞMEKLIK** [öwrönüşmöklük], *iş ady.* Öwrenişmek ýagdaýy.

**ÖWRENIŞMEZLIK** [öwrönüşmözlük], *iş ady.* Ysnyşmazlyk, öwrenişip bilmezlik.

**ÖWRENJELIK** [öwrönjölük], *at.* Öwrenje bolmaklyk.

**ÖWRENME** [öwrönmö], *iş ady.* Öwrenmek ýagdaýy.

**ÖWRENMEK** [öwrönmök], *işl.* **1**. Okamak arkaly göz ýetirmek, okuw geçip özleşdirmek; elýeterli ýollaryň hemmesinden peýdalanyp, başarnygy, endikleri, bir käri, senedi ele almak. *Aýdym-saz öwrenmäge ýykgyn edýänlere ýolbaşçylyk edýärdim* (T. Taganow). *Iňlis dilini öwrenmek. Matematikany öwrenmek. Aýdym-saz öwrenmek. Köwüş tikmegi öwrenmek.* **2**. Ylmy-derňew ýoly bilen barlamak. *Eflatunyň, Firdöwsiniň, Nyzamynyň, Nowaýynyň eserlerini-de ylham alyjylyk bilen öwrenipdi* (G. Kulyýew). **3**. Ünsli synlamak arkaly göz ýetirmek. *Ýagdaýlary öwrenýärdi.* **4**. Endik etmek, werdiş etmek, öwrendekli bolmak. *Hemişe köpçüligiň gürrüňçiligine öwrenen Garly ussanyň ýüregi gysdy* (A. Gowşudow).

◊ **Öwreneni ýaman** kimdir biri hakynda gürrüň barýarka "endigi gowy dal" diýen manyda ulanylýan aňlatma. *Ejesi ogluna: "Öňüňde nahar goýuldygy, öwreneniň ýaman, gijisi alyp barýan ýaly, göz-ýüzüňi sypap ugraýaň" diýdi.*

**ÖWRENMEZLIK** [öwrönmözlük], *iş ady.* Bilimiňi, düşünjäňi artdyrmazlyk, senedi ele almazlyk.

**ÖWRETME** [öwötmö], *iş ady.* Öwretmek ýagdaýy. *Mugallym öwretmesine-hä gowy öwredýär.*

**ÖWRETMEK** [öwrötmök], *işl.* **1**. Bilim bermek, biriniň bir käri, hünäri, senedi öwrenmegini gazanmak, düşünjesini artdyrmak. *Nemes we fransuz dillerini çuňlaşdyryp öwredýäris* ("Türkmenistan"). **2**. Endik etdirmek, türgenleşdirmek. *Azda-kände*

*işlemegi öwrenenden soň, gyz oňa hammalçylyk etmekligi öwredipdir* (Halk ertekilerinden). **3**. Nesihat bermek, akyl bermek, ündemek. *Şu günki serçe düýnki serçä jyk-jyk etmegi öwreder* (Nakyl).

**ÖWRETMEKLIK** [öwrötmöklük], *iş ady.* Öwretmek ýagdaýy.

**ÖWRETMEZLIK** [öwrötmözlük], *iş ady.* Bilim bermezlik, okatmazlyk.

**ÖWRÜLIŞIK** [öwrülşük], *at.* Ösüş döwründäki düýpli taryhy özgeriş.

**ÖWRÜLIP** [öwrülüp], *hal.* Mundan beýläk, dagy-duwara, indikide, indikile, dolanyp, gaýdyp. *Öwrülip, garasyny görkezse, nädersiň!*

**ÖWRÜLMEK** [öwrülmök], *işl.* **1**. Bir görnüşden başga görnüşe geçmek. *Gyzgyn suw buga öwrüldi.* **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň daşyna aýlanmak, daşyny gurşap almak. *Ýaş oglanlar gürrüňçi garrynyň daşyna öwrüldiler.* **3**. Bir zadyň görnüşini üýtgetmek, täze görnüşe salmak. **4**. Beýleki ýüzüne agdarylmak, dönderilmek. **5**. Hereketiňi, ýüzüňi we ş.m. öňki ugrundan başga ugra gönükdirmek; yzyňa aýlanmak, yzyňa gaýtmak, dolanmak. *Magtymguly oňa tarap öwrülip, edeplilik bilen salam berdi* (T. Taganow). *Maşyn öwrülip geldi.*

**ÖWRÜM**, *at.* **1**.Göni ýoluň gyşaryp, ugruny üýtgedýän ýeri, aýlawy. *Oklaw ýaly gönüdir, bolmaz onuň öwrümi, Ýüregmiz dek bu köçäň gaty giňdir göwrümi* (M. Seýidow). **2**. Dolanyşyk, aýlaw, yzly-yzyna geçip duran ýagdaý, waka. *Ondan bäri ýyllar gör näçe gezek öwrüm edipdir.* **3**. *göç.m.* Tär, ýol. *Indi ol sazyň ähli öwrümini öwrendim diýsemem boljak.*

◊ **Öwrüm etmek** bir ýere aýlanyp, dolanyp gelmek. *Uçar obamyzyň üstünden bir gezek öwrüm edip, derrew gonmak üçin gyýalap, aşaklygyna gaýdyp başlady.*

**ÖWRÜMLI** [öwrümlü], *syp.* **1**. Öwrümi bar bolan. *Öwrümli köçe.* **2**. *göç.m.* Syrly, aýlawly. *Men erşimi egrip, mäşirigimi bükdürýänçäm, ol beg beslenýänçä, batyr basarlaryny edip oturyberdi – diýip, öwrümli jogap berdi* (N. Pomma).

**ÖWRÜMLILIK** [öwrümlülük], *at.* **1**. Birnäçe öwrümi barlyk, egrem-bugramlyk. **2**. Syrlylyk, tilsimlilik; aýlawlylyk. *Men onuň gürrüňiniň öwrümliligine düşündim.*

**ÖWRÜMLIRÄK** [öwrümlürä:k], *syp.* **1**. Öwrümi azrak, öňküden öwrümi kemräk. *Ol öwrümliräk köçelerden haýdap barýardy.* **2**. *göç.m.* Syrlyrak, azrak tilsimli.

**ÖWRÜM-ÖWRÜM**, *syp.* Birnäçe öwrümli, aýlawly, aýlaw-aýlaw, egrem-bugram. *Deryanyň bu goşandy birnäçe öwrüm-öwrüm şahajyklara bölünip, adajyklary emele getirýärdi.*

**ÖWRÜP-ÇÖWÜRMEK** [öwrüp-çöwürmök], *işl.* **1**. Mazalyja oýlanyp görmek, oýlanyp saldarlap görmek. *Ol düýnki myhman dostunyň ýarygijä çenli beren gürrüňlerini içinden öwrüp-çöwrüp gördi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.*Peýda görmek, gazanç etmek maksady bilen arzan haryt alyp, gymmat satmak, söwda etmek, söwda-satyk etmek. *Senem, bolmasa, söwda-satyk et, iller-ä ony-muny öwrüp-çöwrüp, gurplanýar gidiberýär.*

**ÖWRÜŞ**, *iş ady.* Öwürmek ýagdaýy. *Maşyny öwrüşiň-ä bolanok, seresabrak bolmaly bor-da.*

**ÖWRÜŞMEK** [öwrüşmök], *işl.* Birine bir zady öwürmäge kömek etmek.

**ÖWSAÝY** [öwsa:ýy], *syp.* Hiç zatdan habarsyz ýaly, hiç zat bilmeýän ýaly. *Ata özüni örän öwsaýy görnüşde görkezip, salam berip geldi* (B. Gurbanow).

**ÖWSELE** [öwsölö], *at.* Öý goşlary; hojalykda gerek bolan senetler, enjamlar, abzallar, öwzar. *...Öýünde öwselesi bolmasa-da, elmydama öýi uly üýşmeleň eken, şorta söz aýdyşar, ýomak atyşar, gülşer-oýnaşar ekenler* (A.Gowşudow).

**ÖWSER** [öwsör], *at.* Dänäni gylçygyndan aýyrmak, ýelejiredip, öwsüp saplamak üçin agaç ýa-da galaýydan ýasalan telper gap. *Häkim bolsaň, halky gün kibi çoýgul, Akarda suw, ýa öwserde ýel bolgun* (Magtymguly).

**ÖWSÜBERMEK** [öwsüvermek], *işl.* Öwsüp başlamak.

**ÖWSÜLMEK** [öwsülmök], *işl.* Öwsüp arassalanmak.

**ÖWSÜM**, *at.* **1**. Telper gapda öwsülip arassalanan gallanyň belli bir mukdary. *Bir öwsüm jöwen.* **2.** Bir gezek seçerlik toý pişmesi. – *Saçagy her hili nygmatlardan dolduryp toýuna bardym, ýöne ol bir öwsüm toý pişmesinem saçagyma salmandyr – diýip, orta ýaşly aýal toý eden goňşusyndan zeýrendi. – Özüne aýtsaňam, wah, men gura, ýadymdan çykaraýandyryn – diýer.* **3.** Bir goşawuç, bir gysym däne, tohum.

**ÖWSÜN**, *at, ser.* **Öwşün** we **Öwüşgin**.

◊ **Öwsün atmak** *ser.* **Öwşün atmak**.*Bagana her hili reňkde öwsün atýar.*

**ÖWSÜŇÇE** [öwsünçö], *at.* Suwa gelýän guşlary awlamak üçin suwuň başynda çöp-çalamdan gurulýan buky, öýsün.

**ÖWSÜNMEK** [öwsünmök], *işl.* Meýil etmek, hyýallanmak, hyjuwlanmak. *Akgül eje aýak üstüne galdy-da, özüne baka öwsünip, böküp duran çagajygy gujagyna aldy* (A. Gowşudow).

**ÖWSÜŞ**, *iş ady.* Öwüsmek ýagdaýy.

**ÖWSÜŞMEK** [öwsüşmök], *işl.* **1**. Köp bolup dürli reňkde öwşün atmak, ýalpyldamak. **2**. Birine bugdaýyň, künjiniň we ş.m. döwlen dänelerini bir gapda aşak – ýokaryk silkäp, hapasyny aýryşmak. **3**. *göç.m.* Üýtgäp durmak, durnuklylygyny ýitirmek. *Adam diýeniň sözünde durmaly bolar-da, hemmäňizem edil dil birikdiren ýaly, ýöne öwsüşip dursuňyz.*

**ÖWŞÜN**,*at.* Ýagtylyk, şöhle düşmegi sebäpli emele gelýän ýalpyldy, dürli reňkdäki görnüş.

◊ **Öwşün atmak** dürli reňkde öwüsmek, ýalpyldamak, ýaldyramak. *Dünýäniň ýüzi goşa şöhle bilen: ýaňy dogan günüň nury we agşamky azajyk ýagşyň tämizligi bilen öwşün atýardy* (H. Ysmaýylow).

**ÖWŞÜNLENMEK** [öwsünlönmök], *işl.* Öwşün atmak, ýalpyldamak, dürli reňkler bilen öwüsmek.

*Onuň düýbi, diwarlary ýaşyl mermer daşlary bilen bezelip, ýagtynyň, günüň şöhlesine öwşünlenip görünýärdi* (G. Kulyýew).

**ÖWÜÇ**, *at.* Bir zadyň iň ýokary nokady, ýokary başy, belentlik. *Ýigitlik öwjünde heniz hyýalym* (Magtymguly).

◊ **Öwüç almak**,möwçalmak, barha güýjemek, gitdigiçe batlanmak. *Ösdükçe öwüç alar dünýäniň ýeli* (Magtymguly).

**ÖWÜÇLI** [öwüşlü], *syp.* Hyjuwly, joşgunly, möwç alan. *Ak ýüzli, mele saçly, Işine ol öwüçli* (N. Pomma).

**ÖWÜLMEK** [öwülmök], *işl.* Taryp edilmek, öwgüsi ýetirilmek, taryplanmak, magtalmak. *Goý, dostum toýda öwülsin.*

**ÖWÜNJEŇ** [öwünjöň], *syp.* Öwünmegi halaýan, özüni özi öwýän, öwnüp gürleýän, güpleýän, magtanjaň. *Beýleki ussalaram öwünjeňdir weli, olar bu ussanyň öwnüşini görýärler-de, ümsüm ýanyndan turuberýärler* (A. Durdyýew).

**ÖWÜNJEŇLIK** [öwünjöňlük], *syp.* Öwünjeňiň ýagdaýy, öwünmegi halaýjylyk, magtanjaňlyk. *Onuň öwünjeňligi Orazyň keýpini büs-bütin bozdy* (B. Kerbabaýew).

**ÖWÜNJEŇRÄK** [öwünjöňürä:k], *syp.* Birneme öwünjeň.

**ÖWÜNMEK** [öwünmök], *işl.* Öz-özüňi öwmek, öz-özüňi taryp etmek, magtanmak. *Aman, umuman, öň hem buýruk bermegi, güpüläp öwünmegi ýaman görmeýärdi* (G. Gurbansähedow).

**ÖWÜR-ÇÖWÜR: öwür-çöwür etmek** alyş-çalyş etmek, zat alyp, zat satmak, söwda etmek, öwrüp-çöwürmek.

**ÖWÜRME** [öwürmö], *iş ady.* Öwürmek ýagdaýy.

**ÖWÜRMEK** [öwürmök], *işl.* **1**. Kelläňi, ýüzüňi bir tarapa aýlamak. *Ogrynça kellesini öwrüp, onuň ýüzüne assyrynlyk bilen seretdi* (H. Ysmaýylow). **2**. Bir ugra, tarapa gönükdirmek, ýoluny üýtgetmek. *Sürüji maşyny saga öwürdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçirmek, öňki görnüşini üýtgedip, täze görnüşe salmak. *Dostluk, doganlyk, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýoly bilen ýöräp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). *Suwy buga öwürmek.* **4**. Beýleki tarapyna agdarmak; bir ýüzünden beýleki ýüzüne geçirmek. *Ol kagyzy beýleki ýüzüne öwürdi-de, nämedir bir zatlary okady.* **5**. *gepl.d.* Alyş-çalyş, söwda-satyk bilen meşgullanmak, söwda etmek, alyş-çalyş etmek. *Mallary pula öwürmek.*

**ÖWÜRMEKLIK** [öwürmöklük], *iş ady.* Öwürmek ýagdaýy.

**ÖWÜRMEZLIK** [öwürmözlük], *iş ady.* Öwürmek hereketi, işi amal edilmezlik.

**ÖWÜRTMEK** [öwürtmök], *işl.* **1**. Öwürmek işinibaşga birine etdirmek. *Maşyny saga öwürtmek.* **2**. Çalşyrtmak, deregine başga zat almak. *Manady dollara öwürtmek.*

**ÖWÜSDIRMEK** [öwüssürmök], *işl.* **1**. Aty atyldyryp-atyldyryp sürmek (*ser.* **Atylmak 9**). *Gury säpjiň ýörişine salyp, öwüsdirip galybersin* ("Görogly"). *Ýaş ýigitleriň birnäçesi atlaryny öwüsdirip, giň köçäniň ortasy bilen sürýärdiler* (A. Gowşudow). **2**. Dürli reňkde öwşün atdyrmak, ýalpyldatmak. **3**. *göç.m.* Kowmak.

◊ **Öwüsdirip goýbermek** yzyna it salmak, gümüni çekmek. **Öwüsdirip ýörmek** iş etmän gezip ýörmek, ygyp ýörmek.

**ÖWÜSGIN** [öwüsğün], *at.* **1**. Ýuwaşjadan öwüsýän şemal, wagtal-wagtal öwüsýän, kä güýjäp, kä ýuwaşaýan şemal. *Şol wagt turan öwüsgin howanyň totuny biraz syrdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Dürli hili öwşün atýan, öwüsýän ýalpyldy. *Ýaşyl öwüsgin berýän köýnegini geýen Aýgül aýnanyň garşysynda durdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Birsydyrgyn gidiş, ýöreýiş. *Ak şorlugyň bir çetinden gelip girenine çenli öwüsgini gowşatmady* (G. Gurbansähedow).

**ÖWÜSME** [öwüsmö], *iş ady.* Öwüsmek ýagdaýy.

**ÖWÜSMEK** [öwüsmök], *işl.* **1**. Şemal turmak, ýel bolmak. *Gün ýokary galdygyça, ýaňky öwsüp duran ýuwaşja şemal biraz güýçlendi* (H. Derýaýew). **2**. Dürli reňkde öwşün atmak, ýalpyldamak. *Agaçlaryň solup başlan ýapraklary çala sarymtyl öwüsse-de, ýagyş olaryň tot-tozanyny kemsiz ýuwany üçin, bir hili altyn çaýylan ýaly ýalpyldaýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. Bugdaýyň, künjiniň we ş.m. dänelerini bir gapda aşak-ýokaryk silkäp hapasyny aýyrmak. **4**. *göç. m.*Üýtgäp durmak, durnuklylygyny ýitirmek. *Sözleseň her ýana öwser bu tiller, Ýel urpakdan aşsa, şowlar şemallar* (Magtymguly).

**ÖWÜSMEKLIK** [öwüsmöklük], *iş ady.* Öwüsmek ýagdaýy.

**ÖWÜSMEZLIK** [öwüsmözlük], *iş ady.* Öwsüp durmazlyk.

**ÖWÜŞGIN** [öwüşğün], *at, ser.* **Öwşün**. *Munuň özi, türkmenleriň ajaýyp Altyn asyrynyň müň dürli gözel reňkiniň bir öwüşginidir* ("Türkmenistan").

**ÖWÜŞGINLI** [öwüşğünlü], *syp.* Öwüşgin atýan, öwşün atýan, ýalpyldaýan. *Ýöne türkmen halky köşklerde ýaşan döwürlerinde has köp dürli, köp öwüşginli geýnen bolmaly* ("Nesil").

**ÖWÜŞGINLIRÄK** [öwüşğünlürä:k], *syp.* Öwüşgini çalarak, çala öwüşgin atýan.

**ÖWÜT**, *at.* Berilýän maslahat, nesihat. *Öwüt ber öwüt alana, syr berme gybat çalana* (Nakyl). *Nesihat eder men kim gulak salsa, Çoh dertden gutular, öwüdim alsa* (Seýdi).

**ÖWÜTÇI** [öwütçü], *at.* Öwüt-nesihat beriji, öwüt-nesihat berýän adam. *Polat hem çemesi gelende, öwütçä öwüt bermän saklanyp bilmedi* (N. Jumaýew).

**ÖWÜTLI** [öwütlü], *syp.* Öwüt beriji, nesihat ediji. *Şahyryň öwütli sözleri adamlary oýlandyrýar.*

**ÖWÜT-NESIHAT** [öwüt-nesi:hat], *at, ser.* **Öwüt**.*Ene özüniň perzendine öwüt-nesihat berdi.*

**ÖWÜT-ÜNDEW** [öwüt-ünnöw], *at, ser.* **Öwüt-nesihat**. *Onuň çuň manyly, öwüt-ündew bilen ýugrulan goşgy-gazallary tä Hywa, Buhara çenli külli türkmene meşhurdy* (G. Kulyýew).

**ÖWZAR** [öwza:r], *at.* **1.** *ser.* **Öwsele**. *Öýem gerek däl, öwzar hem* (B. Kerbabaýew). **2.** *ser.* **Öý-öwzar**.

**ÖWZAÝ** [öwza:ý], *at.* Päl, niýet, hyýal, öwdaý. *Içerdäkileriň öwzaýy bozuk görünýär* (B. Seýtäkow).

**ÖÝ**, *at.* **1**. Esasan dört, alty ganatdan ybarat bolup, ýokarky bölegi uk we tüýnük arkaly birleşýän, üsti üzük bilen örtülýän tegelek görnüşli ýaşaýyş jaýy. *Ýel garaja öýüň uklaryny şatyrdadyp çaýkap başlady* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýaşaýyş jaýy, tam, otag. **3**. *gepl.d.*Haýwanlaryň, mör-möjekleriň hini, süreni, ýaşaýan ýeri. *Çybyk bilen arynyň öýüni gorjama.* **4**. *göç.m.* Maşgala, hojalyk. **5**. *göç.m.* Bir hereketiň, aň-düşünjäniň, duýgynyň we ş.m. jümmüşi, içi. *Sepil boldum, jümle jahany ýörüp, Gapyl galdym, gam öýünde sargaryp* (Magtymguly). **6**. *göç.m.* Ýöriteleşdirilen jemgyýetçilik binasy; medeni-aň-bilim, ylmy, durmuşy we ş.m. döwlet edarasy we şol edaranyň ýerleşýän jaýy. *Nebitçiler öýüniň öňündäki aýtymçada adam has hem kändi* (B. Kerbabaýew). *Medeniýet öýi. Demirýolçular öýi.*

◊ **Öý eýesi** öýe hojaýynlyk edýän adam, öý hojalygyny dolandyrýan, alyp barýan adam. *Häzir öý eýesi geler.* **Öý hojalykçy aýal** jemgyýetçilik işinde işlemän, diňe öý, hojalyk işi bilen meşgullanýan aýal. **Öýi arkasynda**, **çemçesi bilinde** mesgen tutmaýan, ykmanda, öýsüz-öwzarsyz. *Onuň hemişe öýi arkasynda, çemçesi bilindedi.* **Öýi köýen** öýi ýanan kezzap. *Şondan peýdalanyp, öýi köýen, doýup galjak-da* (R. Allanazarow). **Öý işi 1**) hojalykda ýerine ýetirilýän dürli häsiýetli işler, hysyrdy. **2**) öýde ýerine ýetirmek üçin mugallym tarapyndan okuwça tabşyrylýan ýumuş. **Öýüni towuga ýükläýmeli** zatsyz, malsyz, baryp ýatan garyp. **Öý ýarmak (urmak)** ogurlyk etmek, biriniň öý goşlaryny, zatlaryny ogurlamak. **Öýüni ýykmak** maşgalany dargatmak, çykgynsyz, elhenç ýagdaýa salmak.

**ÖÝÇI** [öýçü], *at.* Öý ýasaýan ussa. *Ol öz hyýalynda öýçi ussa sekiz ganat öý buýurdy* (A. Gowşudow).

**ÖÝDEÇI** [öýdöçü], *at.* **1**. Öýderäk bolmagy halaýan, öýden çykman oturýan adam. *Soňky döwürlerde sen öýdeçi bolupsyň.* **2**. Elde, öý hojalygynda saklanýan, eldeki (goýun-geçi hakynda). *"Öýdeçimi-düzdeçi" diýip soraýmasaň, düşünmegem aňsat däl* (B. Kerbabaýew). *Olar öýdeçi mal sürüleridi.*

**ÖÝDELMEK** [öýdölmök] **I**, *işl.* Palas, düýpli gyňaç dokalanda erşiň daşyndan dürli-dürli sapak aýlanyp, geçirilip, nagyş salynmak.*Öýdelip dokalan palas. Öýdelip dokalan düýpli gyňaç.*

**ÖÝDELMEK** [öýdölmök] **II**, *işl.* Üstünde iki eliň ýöredilip, hereketlendirilip, üýşüp ýatan zadyň içinden irileri saýlanmak.

**ÖÝDEME** [öýdömö] **I**, **II**, *iş ady.* Öýdemek ýagdaýy. *Sen gyňaç öýdemäni gowy öwrenipsiň.*

**ÖÝDEMEK** [öýdömök] **I**, *işl.* Palas, düýpli gyňaç dokalanda erşiň daşyndan dürli-dürli sapak aýlap, nagyş salmak.

**ÖÝDEMEK** [öýdömök] **II**, *işl.* Üstünde iki eliňi ýöredip, hereketlendirip, üýşmek ownuk zadyň içinden irilerini saýlap almak. *Samanyň iriräklerini halta öýdäp guý.*

**ÖÝDEMEKLIK** [öýdömöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Öýdemek ýagdaýy.

**ÖÝDEMEZLIK** [öýdömözlük], *iş ady.* Öýdemek işini etmezlik.

**ÖÝDENIÇER** [öýdönçör], *at.* Kesekiniň gapysynda öý hyzmatlaryny edip gün görýänhyzmatçy, hyzmatkär. *Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir baýyň öýdeniçer gapy guly bar eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÖÝDENIÇERLIK** [öýdönçörlük], *at.* Öýdeniçeriň ýagdaýy, öýdeniçer bolmaklyk, hyzmatkärlik.

**ÖÝDEŞMEK** [öýdöşmök], *işl.* **1**. Öýdemäge kömekleşmek. **2**. Bile öýdemek. *Iki gelin iki ýerden palas öýdeşip otyrdy.*

**ÖÝDETMEK** [öýdötmök], *işl.* Öýdemek işini başga birine etdirmek.

**ÖÝDEÝIŞ** [öýdöýüş] **I**, **II**, *iş ady.* Öýdemek ýagdaýy. *Gyzynyň düýpli gyňaç öýdeýşine ejesiniň göwni ýetdi.*

**ÖÝDÄBERMEK** [öýdä:vermek], *işl.* Öýdäp başlamak.

**ÖÝDÜBERMEK** [öýdüvermek], *işl.* Oý edibermek, pikir edibermek, hasap edibermek.

**ÖÝDÜLMEK** [öýdülmök], *işl.* Çak edilmek, "şeýledir" diýip pikir edilmek.

**ÖÝDÜM**,*at, dokm.* Palas, düýpli gyňaç öýdelende ýerine ýetirilýän bir gezekki tilsim.

**ÖÝDÜME** [öýdümö], *at, dokm.* Palasyň, torbanyň ýa-da tarada dokalýan nagyşly gyňajyň dokalyş usuly. *Öýdüme palas. Öýdüme* gyňaç .

**ÖÝDÜRMEK** [öýdürmök], *işl.* Birine hamyryň bölegini kendirigiň üstünde eliniň aýasynda eýletmek.

**ÖÝDÜŞ**, *iş ady.* Öýtmek ýagdaýy.

**ÖÝDÜŞMEK** [öýdüşmök], *işl.* Birnäçe bolup bir zady güman etmek, çak etmek. *Geler öýdüşip, oňa kän garaşdylar.*

**ÖÝERIBERMEK** [öýörüvermek], *işl.* Öýli-işikli edibermek. *Enesi, ogluňy öýeribermeli bolupdyr, gapdalyndan gyz geçse, gözümi aýraýynam diýenok.*

**ÖÝERILMEK** [öýörülmök], *işl.* Gelin alnyp berilmek, öýlendirilmek. *Öýerilýän ýigit.*

**ÖÝERIŞ** [öýörüş], *iş ady.* Öýermek ýagdaýy.

**ÖÝERIŞMEK**[öýörüşmök], *işl.* Birine gelin alyp bermäge, öýli-işikli etmäge kömek etmek.

**ÖÝERME** [öýörmö], *iş ady.* Öýermek ýagdaýy.

**ÖÝERMEK** [öýörmök], *işl.* Öýli-işikli etmek, gelin alyp bermek, maşgalaly etmek, öýlendirmek. *Ene ogluny öýermek meselesini orta atdy* (A. Durdyýew).

**ÖÝERMEKLIK** [öýörmöklük], *iş ady.* Öýermek ýagdaýy.

**ÖÝERTMEK** [öýörtmök], *işl.* Birini öýli-işikli etdirmek, gelin aldyrmak, maşgalaly etdirmek.

*Oglumyz öýerdäýse-de biri, entek öýlenjek däl diýse näme etjek?*

**ÖÝGAMYŞ** [öýğamyş], *at.* Gara öýüň durlugynyň daşyndan tutulýan örme gamyş. *Öýgamyş örmek.*

**ÖÝ-IÇERI**, *at.* Öý, öý hojalygy; maşgala. *Ol öý-içeriniň hysyrdysy bilen meşgullanyp ugrady* (B. Seýtäkow).

**ÖÝ-IL** [öý-i:l], *at.* Il-gün, Watan, hossar, dogan-garyndaş. *Öý-il gerek, ýorgan-düşek, Perzent bentdir, aýal – duşak* (Magtymguly).

**ÖÝIN-ÖÝIN** [öýüýn-öýüýn], *hal.* Öýleriň hemmesine, gapyma-gapy, öý goýman, birin-birin, öýme-öý. *Öýin-öýin aýlanmak. Öýin-öýin baryp, habarly etmek.*

**ÖÝ-IŞIK** [öý-i:şik], *at, ser.* **Öý-içeri**.

◊ **Öý-işik bolmak** durmuş gurmak, öýlenmek, maşgalaly bolmak.

**ÖÝ-IŞIKLI** [öý-i:şikli], *syp., ser.* **Öýli-işikli**. *Seniň bilen deň-duşlar eýýäm öýlenip, öý-işikli boldular* (A. Gowşudow).

**ÖÝJÜK**, *at.* **1**. Bir ýerde daşy germelen birnäçe jaýjagazlaryň biri; kiçijik jaýjagaz, ýer, orun. *Ýaş göleleri aýry-aýry öýjüklerde saklamak gerek.* **2**. Inedördül bölünen belli bir çäk, gözenek. *Küşt tagtasynyň öýjükleri.* **3**. *biol.* Özbaşdak ýaşamaga, öz-özünden köpelmäge ukyply bolan ýönekeý janly beden. *Köp wagtlap uklamazlyk beýniniň duýgy öýjükleriniň ejizlemegine eltip biler.* **4**. Bir zadyň toplanan, jemlenen ýeri, bir zadyň köp ýeri, ojagy, öýi, merkezi. *Ol duran bir akylyň öýjügidir.* **5**. Arylaryň bal hem-de ýumurtgajyk taşlamak üçin mumdan ýasaýan meňzeş ölçegdäki öýjagazlarynyň biri.

**ÖÝJÜKLI** [öýjüklü], *syp.* Öýjüklerden ybarat, öýjüklere bölünen. *Öýjükli telefon.*

**ÖÝJÜK-ÖÝJÜK**, *syp.* Birnäçe öýjükden ybarat.

**ÖÝKE** [öýkö], *at.* Birinden göwnüň galmagy sebäpli döreýän närazylyk, nägilelik duýgusy, kine. *Iki sany gumry ýaly söýgülileriň arasynda öýke bolarmy?* (G. Muhtarow).

◊ **Öýke etmek** *ser.* **Öýkelemek**. *Biz hiç kimden öýke etmeýäris.* **Öýkesini ýazmak (açmak, ýatyrmak)** nägilelik, närazylyk duýgusyny aýryp, aram derejä getirmek, rahatlandyrmak. *Ýüzün duman alyp, tutulan günüň, Öýkesi ýazyldy, şöhlesin saldy* (Ş. Kekilow).

**ÖÝKE-KINE** [öýko-ki:ne], *at, ser.* **Öýke**.

**ÖÝKE-KINELI** [öýkö-ki:neli], *syp.* Öýkeli.

**ÖÝKELI-KINELI** [öýkölü-ki:neli], *syp., ser.* **Öýke-kineli**.

**ÖÝKELEGEN** [öýkölöğön], *syp., ser.* **Öýkelek**.

**ÖÝKELEGRÄK** [öýkölöğrä:k], *syp.* Az zat üçin öýkeleýän, birneme öýkelek.

**ÖÝKELEK** [öýkölök], *syp.* Sähel zat üçin öýkeleýän, sähelçe zady göwnüne alýan, ujypsyz zat üçin öýke-kine edýän. *Bu şeýle bir öýkelekdir welin, heý, sen goýaý, asyl bolgusyz zatlara-da öýkeläp oturandyr* (A. Gowşudow).

**ÖÝKELEKLIK** [öýkölöklük], *at.* Öýkelek adamyň gylygy, öýkelegiň bolşy, ýagdaýy. *Onuň öýkelekligi haçan galarka?*

**ÖÝKELEME** [öýkölömö], *iş ady.* Öýkelemek ýagdaýy. *Onuň bolgusyz zat üçinem öýkelemesi barda.*

**ÖÝKELEMEK** [öýkölömök], *işl.* Birinden öýke etmek, birinden göwnüň galyp kine etmek, birinden nägile bolmak.

**ÖÝKELEMEZLIK** [öýkölömözlük], *iş ady.* Öýke etmezlik.

**ÖÝKELEŞIK** [öýkölöşük], *at.* Birek-birekden öýkeleme, göwün galma, öýke etme. *Çekişmäniň soňy käýişe, öýkeleşige geçdi* (B. Gurbanow).

**ÖÝKELEŞMEK** [öýkölöşmök], *işl.* Biri-biriňden göwnüň galmak, biri-biriňden öýkeli bolmak. *Häzir öýkeleşip durmaga wagt ýok* (N. Jumaýew).

**ÖÝKELETMEK** [öýkölötmök], *işl.* Biriniň göwnüne degip öýkelär ýaly etmek, biriniň göwnüni ýykmak, birini nägile etmek. *Ýöne men ony bir sapar gaty öýkeletdim* (B. Gulow).

**ÖÝKELEÝIŞ** [öýkölöýüş], *iş. ady.* Öýkelemek ýagdaýy.

**ÖÝKELÄBERMEK** [öýkölä:vermek], *işl.* Öýkeläp başlamak. *Degişmä-de düşüneňok-la, gyz, sen derrew öýkeläberýäň.*

**ÖÝKELI** [öýkölü], *syp.* Birinden öýkeläp, öýke-kine edýän, kine saklaýan, birinden nägile, göwni galan, kineli. *Onuň sesi geplän-de öýkeli çykdy* (Ý. Mämmediýew).

**ÖÝKELILIK** [öýkölülük], *hal.* Öýkeli halda bolmaklyk, öýkeli hal-ýagdaý.

**ÖÝKELIRÄK** [öýkölürä:k], *syp.* Azda-kände öýkeli.

**ÖÝKEN** [öýkön], *at.* Adamlaryň we oňurgaly haýwanlaryň dem alyş agzasy. *Howa arkaly alnan kislorod ilki bilen öýkene barýar.*

◊ **Öýken keseli 1**) üşemek, sowuklamak netijesinde goýun, geçi ýaly ownuk mallaryň öýkeninde emele gelýän üsgülewükli kesel. *Goýunlaryň näçesi öýken keseline duçar bolupdy* (G. Gurbansähedow). **2**) adamyň öýkeninde döreýän ýokanç kesel, inçekesel.

**ÖÝKENLEMEK** [öýkönlömök], *işl.* Öýken keseli bilen kesellemek, öýken keseline uçramak, sezewar bolmak. *Dowarlar öýkenläpdir.*

**ÖÝKENLI** [öýkönlü], *syp.* **1**. Öýken keseli bilen kesellän, öýken keselinden dert çekýän, öýken keseline uçran. *Öýkenli geçi.* **2**. *gepl.d.*Inçekeselli.

**ÖÝKESIZ** [öýkösüz], *syp.* Öýkesi bolmadyk, öýkeli däl, öýke-kine saklamaýan, kinesiz. *Agysyz ölüm bolmaz, öýkesiz – toý* (Nakyl).

**ÖÝKESIZLIK** [öýkösüzlük], *at.* Öýke-kine ýokluk, öýke-kine saklamazlyk, kinesizlik.

**ÖÝKÜNDIRMEK** [öýkünnürmök], *işl.* Biriniň bolşuna, hereketine, sözüne öýküner ýaly etmek. *Bagşynyň agzyna öýkündirmek.*

**ÖÝKÜNIBERMEK** [öýkünüvermek], *işl.* Öýkünip başlamak.

**ÖÝKÜNILMEK** [öýkünülmök], *işl.* Biriniň bolşy, hereketi şoňuňka meňzedilip gaýtalanmak.

**ÖÝKÜNIŞ** [öýkünüş], *iş ady.* Öýkünmek ýagdaýy.

**ÖÝKÜNIŞMEK** [öýkünüşmök], *işl.* Biri-biriňe ýa-da birnäçe bolup bilelikde başga birine öýkünmek. *Beýdişip, biri-birimiziň agzamyza öýkünişip dursak, biz oňly zadyň üstünden barmarys* (B. Seýtäkow).

**ÖÝKÜNJEŇ** [öýkünjöň], *syp.* Öýkünmäge endik bolan, başga biriniň bolşuny, hereketini hut özüne meňzedip öýkünegen. *Ol ýomakçylygynyň daşyndan hem gaty öýkünjeň adamdy.*

**ÖÝKÜNJEŇLIK** [öýkünjöňlük], *syp.* **1**. Öýkünjeň bolmaklyk, öýkünjeňhäsiýetlilik. *Öýkünjeňlik gowygörülýän gylyk däl.* **3**. Öňden bar bolan nusga öýkünmeklik, şoňa meňzedip eser döretmeklik. *Çagalar üçin ýazan ilkinji eserlerinde öýkünjeňlik äheňi göz-görtele duýulýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÖÝKÜNME** [öýkünmö], *iş ady.* Öýkünmek ýagdaýy.

**ÖÝKÜNMEK** [öýkünmök], *işl.* **1**. Biriniň eden zadyna meňzetjek bolmak. **2**. Biriniň bolşuny, hereketini, sözüni we ş.m. meňzedip gaýtalamak. *Ol agzyna öýkünýändir öýdüp hiňlenmesin tapba goýdy* (A. Gowşudow). **3**. Öňden bar bolan nusga öýkünip her hili eser döretmek, aýdym aýtmak. *Kompozitor halk sazlaryna öýkünip bir saz eserini döredipdir.*

**ÖÝKÜNMEKLIK** [öýkünmöklük], *iş ady.* Öýkünmek ýagdaýy.

**ÖÝKÜNMEZLIK** [öýkünmözlük], *iş ady.* Öýkünmek hereketini etmezlik.

**ÖÝLE** [öýlö], *at.* **1**. Gün ortadan agandan soňky wagtyň ady. *Olar gün öýleden agyp, çala salkynlyk aralaşandan soň, giň bir aýtymda pökgi oýnaýardylar* (B. Kerbabaýew). *Gün öýle boldy.* **2**. Yslam dininde parz hasaplanýan bäş wagt namazyň ikinjisiniň okalýan wagtynyň we şol namazyň ady. *Ýaşulular öýle namazyna durdular. Ol öýlesini okady.*

**ÖÝLENDIRMEK** [öýlönnürmök], *işl.* Birini maşgalaly etmek, gelin alyp bermek, öýermek. *Görogly, seni öýlendiris, illendiris, gaýgy etme* ("Görogly").

**ÖÝLENIBERMEK** [öýlönüvermek], *işl.* Gelin alyp, öýli-işikli bolubermek.

**ÖÝLENIŞ**,*iş ady.* Öýlenmek ýagdaýy. *Maksadyň öýleniş toýy gaty gyzykly geçdi.*

**ÖÝLENME** [öýlönmö], *iş ady.* Öýlenmekýagdaýy. *Gyz çykman, ýigit öýlenmän galmaz.*

**ÖÝLENMEK** [öýlönmök], *işl.* Gelin alyp, öýli-işikli bolmak, maşgala durmuşyny gurmak. *Men-ä öýlenjek, söýleseň meniň bilen bol, söýlemeseň gapdalymda otur* (A. Durdyýew).

◊ **Tomus öýlenen gul ýaly** tomus wagty tomsuna geýilmeýän don, telpek we ş.m. geýen erkek adama aýdylýar.

**ÖÝLENMEKLIK** [öýlönmöklük], *iş ady.* Öýlenmek ýagdaýy.

**ÖÝLENMEZLIK** [öýlönmözlük], *iş ady.* Öýli-işikli bolmazlyk. *Oglunyň ep-esli ýaşabam öýlenmezligi ejesini ynjalyksyzlandyrýardy.*

**ÖÝLÄN** [öýlä:n], *hal.* Günortanyň soň ýanyndaky wagt, günüň ikinji ýarymyndan giç öýlä çenli wagt, öýle çagy. *Gerdişi keç gahba pelek elinden, Ertiri şat bolan öýlän gülmedi* (Magtymguly). *Şol gün giç öýläne çenli Garly ussa şähdaçyk, süňňi ýeňillik bilen işledi* (A. Gowşudow).

◊ **Giç öýlän** öýle wagtynyň ikinji ýarymy, ikindiniň öň ýanlary. *Men oba gitmek üçin giç öýlän ýola düşdüm.*

**ÖÝLÄNÇI** [öýlä:nçi], *at.* **1**. Öýle wagtlary ýagyp, derrew hem diňýän güýçli ýagyş. *Ynha älemgoşar parlar asmanda, Bahar wagty biziň Türkmenistanda, Şunuň ýaly waka köp üns biýrler, Muňa biz tarapda "öýlänçi" diýrler* (A. Kekilow). **2**. *gepl.d.* Günortan başlanýan (okuw, iş we ş.m. hakynda).

◊ **Öýlänçi gelmek** öýlänler az wagtlyk güýçli ýagyş ýagmak.

**ÖÝLÄNKI** [öýlä:nki], *syp.* Öýlän bolup geçen, öýlän dowam eden. *Düýn öýlänki ýagyş henizem dynman ýagyp dur.*

**ÖÝLÄNLIK** [öýlä:nlik], *at.* Öýlän wagtlary iýilýän ýa-da öýlän iýer ýaly nahar.

◊ **Öýünde öýlänlik ýok** öýünde iýer-içer ýaly zat ýok. *Ertirligini tapsa, öýlänliginiň aladasyny edenok.*

**ÖÝLI** [öýlü], *syp.* **1**. Öýi bar. *Garaňky gatlyşansoň, öýli öýüne dagady.* **2**. Maşgalaly, öýlenip maşgalaly bolan. *Öýli oglum bar.* **3**. *Öýüň eýesi we şol öýüň ýaşaýjylary. Köne ýurduň gaýrasynda ýeke öýlüden başga yns-jyns ýokdy.*

**ÖÝLI-IŞIKLI** [öýl(ü)-i:şikli], *syp.* Maşgala durmuşyny guran, öýlenen, aýally. *Onuň iň uly ogly bir mahal öýli-işikli boldy.*

**ÖÝLI-IŞIKLILIK** [öýl(ü)-i:şiklilik], *at.* Öýli-işikli ýagdaýda bolmak, öýlenenlik, maşgalalylyk.

**ÖÝME** [öýmö] **I**, *at.* Aýal hem gelinleriň başyna atynýan hem daňynýan gülli ýuka ýüpek gyňajy. *Otyr ýarym, syýa zülpün daranyp, Darap boldy, başa öýme oranyp* (Mollanepes). *Ol börügini ykjam daňyp,...öýmesini onuň üstünden goýberdi* (B. Kerbabaýew). *Ýaşyl öýme. Gyzyl öýme.*

◊ **Çilleli öýme** içinden dürli sapaklar geçirilip dokalan öýme. **Pişik öýme** adatça, ýerligi ýuka gyzyl ýa-da sary öýme.

**ÖÝME** [öýmö] **II**, *iş ady.* Öýmek ýagdaýy.

**ÖÝMEK**[öýmök], *işl.* Hamyr bölegini kendiriginiň üstünde, eliň aýasynda togalap eýlemek. *Hamyry öýmek.*

◊ **Gan oymek** *ser.* **Gan**.

**ÖÝMEKLIK** [öýmöklük], *iş ady.* Öýmek ýagdaýy.

**ÖÝMELI** [öýmölü], *at.* Başy öýme bilen daňlan, başyna öýme atynan. *Gireninde üç-dört sany adam bilen egni keteni köýnekli, başy ýüpek öýmeli, saçy guşaklygyna düşüp duran gyza gözi düşdi* (A. Durdyýew).

**ÖÝME-ÖÝ** [öýmö-öý], *hal.* Bir ýanyndan başlap, öýleriň hemmesini; öýin-öýin. *Özüniň önüp-ösen obasyny hut şu gün birinji gezek görýän ýaly, ony öýme-öý gözden geçirdi* (B. Gurbanow).

**ÖÝMEZLIK** [öýmözlük], *iş ady.* Hamyry eýlemezlik.

**ÖÝ-ÖWSELE** [öý-öwsölö], *at, ser.* **Öý-öwzar**.

**ÖÝ-ÖWZAR** [öý-öwza:r], *at.* Ýaşaýyş jaýy we içeriniň ähli goş-golamy, öý üçin gerekli zatlary. *Olar gijelerini gündiz edip, ahyr soňy öý-öwzar edinipdiler* (B. Seýtäkow).

**ÖÝSÜN**, *at, ser.* **Öwsünçe**.

**ÖÝSÜZ**, *syp.* Öýi, maşgalasy ýok, öýli däl. *Bujagaz günüňi bulama, öýlükäň öýsüz galarsyň* (N. Pomma).

**ÖÝSÜZLIK** [öýsüzlük], *syp.* Öýi, maşgalasy ýokluk.

**ÖÝSÜZ-ÖWZARSYZ** [öýsüz-öwza:rsyz], *syp.* Öýi-öwzary ýok, öýli däl. *Men bir eýesiz-idegsiz, öýsüz-öwzarsyz ýetim* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÖÝSÜZ-ÖWZARSYZLYK** [öýsüz-öwza:rsyzlyk], *at.* Öýi-öwzary ýokluk, öýli dällik.

**ÖÝTME** [öýtmö], *iş ady.* Öýtmek ýagdaýy.

**ÖÝTMEK** [öýtmök], *işl.* Pylanydyr ýa-da bir zatdyr diýip pikir etmek; oý etmek, oýlamak.

**ÖÝTMEKLIK** [öýtmöklük], *iş ady.* Öýtmek ýagdaýy.

**ÖÝTMEZLIK** [öýtmözlük], *iş ady.* Pylanydyr ýa-da bir zatdyr diýip pikir etmezlik.

**ÖÝÜBERMEK** [öýüvermek], *işl.* Hamyryň bölegini kendirigiň üstünde, eliň aýasynda eýlemäge başlamak, eýlemek işini dowam etdirmek. *Sen hamyry öýüber, menem tamdyra odun taýynlaýyn.*

**ÖÝÜLMEK** [öýülmök], *işl.* Eliň aýasy bilen togalanyp eýlenmek (hamyr hakynda).

**ÖÝÜŞ,** *iş ady.* Öýmek ýagdaýy.

**ÖÝÜŞMEK** [öýüşmök], *işl.* Birine hamyr bölegini eýleşmek.

**ÖÝÝÜP,** *at.* Gara öýüň (oraçanyň) tüýnüginden asylýan ýüp.

**ÖZ** [ö:z] **I**, Haýsydyr bir zadyň, hereketiň göz öňünde tutulýan adamyň hususylygyna degişlidigini aňladýan gaýdym çalyşmasy.

◊ **Öz agyňy aglamak** najatyňy garamak, öz aladaňy özüň etmek. **Öz agyran ýeriňi tutmak** özüňi biynjalyk edýän zat hakynda aladalanmak, öz derdiň bilen bolmak. **Öz arabaňy tigirlemek** öz işiň, günüň we ş.m. bilen bolmak, öz günüňi özüň görmegi başarmak. *Sen maňa gep öwretjek bolma, git-de öz arabaňy tigirläber* (B. Gulow). **Öz aýagyňa özüň palta urmak (salmak)** özüňe, öz derejäňe, öz mertebäňe özüň zyýan ýetirmek. *Beýle adamlary öýe golaýlaşdyrmaweri, öz aýagyňa özüň palta salmaweri.* **Öz aýdanyňy (diýeniňi) tutmak** diýeniňden, diýen-aýdanyňdan dänmän durmak. – *Onyň dogry-la welin, ýöne mundan hiç bir çykjak netije ýok-da! – diýip, öz aýdanyny tutdy* (T. Taganow). **Öz başyňy (özüň) çaramak** öz güýjüň bilen oňup bilmek; öz-özüňi oňarmak, öz günüňi özüň görüp bilmek (*ser.* **Baş: başyny çaramak**). **Öz bitiňi özüň iýmek** gaty gysganç bolmak, husyt bolmak. **Öz diýenini etmek** öz aýdyşy ýaly etmek, öz ýüregindäkini etmek, öz pikiri boýunça hereket etmek. **Öz diýeniňi gögertmek** öz islegiňe görä amala aşyrtmak, etdirmek. **Öz diýenli** öz diýenini edýän, aýdany – aýdany, diýeni – diýeni. *Ol öz diýenli adamdy.***Öz eliň – öz ýakaň** erk-ygtyýaryň öz eliňde. **Öz emeliňe özüň çolaşmak** *ser.* **Öz gazan çukuryňa özüň düşmek**. **Öz eňegiňe tutmak** öz pikiriňden dänmän durmak. *Birisi bilen tilpunda gürleşýär, öz eňegine tutup, onuň bilenem heçjikleşýär* (A. Gowşudow). **Öz gabryňy özüň gazmak** öz kysmatyň ters çözülmegine özüň ýardam etmek, özüň şoňa sebäpkär bolmak. *Birine çawuş çakyp, birini dürtüp, Hem özgäniň, hem öz gabryň gazýarsyň* (B. Kerbabaýew). **Öz gamyňy özüň iýmek** *ser.* **Öz başyňy özüň çaramak.***Göroglynyň özi bir är, Öz gamyny özi iýer* ("Görogly"). **Öz garyňa görä ölçemek** özüňçe düşünmek, baha bermek. *Her kim bir hili düşünýär, her kim öz garysyna görä ölçeýär* (B. Kerbabaýew).**Öz gazan çukuryňa özüň düşmek (ýykylmak)** öz eden emeliňe özüň çolaşmak, öz pyssy-pyjurlygyň üçin özüň kösenmek. **Öz göbegiňi özüň kesmek** öz ykbalyňy özüň çözmek, öz güýjüňe daýanyp iş etmek. *Olaryň ikisi-de ýetimlik bilen kemala gelip, öz göbegini özleri kesipdiler.* **Öz gününe goýmazlyk** birine azar berip durmak, gün bermezlik. *Gezip ýören adamyny berin öz gününe goýsana – diýip, Häsiýet eje meniň tarapymy çaldy* (S. Ataýew). **Öz günüňi özüň görmek** öz başyňy özüň çaramak, öz-özüňi oňarmak;öz güzeranyňy özüň dolandyrmak. **Özi kül üstünde, göwni kap dagynda** özüniň ýagdaýynyň pesligini bilmän, amala aşyryp bilmejek zatlary hakynda hyýal edýän adam hakynda aýdylýar. **Öz maýdalyna** gaty bir howlukman, assa-ýuwaş, öz hereket edişine görä, öz ugruna. **Öz ugruna goýbermek** hiç bir tarapdan päsgel bermezlik, doly erk-ygtyýar bermek; edenine däl diýmezlik. *Muny öz ugruna goýberip ýeňäýmeseň, başga heý edip biljek zadyň barmy?* (B. Kerbabaýew). **Özünden bilmek** bir zady başga adam täsir etmezden, özüň aňyp etmek. **Özünden gitmek** agyr hassalyk ýa-da başga bir güýçli täsir sebäpli huşuny ýitirmek, özüni bilmän ýatmak, çaşmak. **Özüne gelmek 1**) huşuny ýitiren adam akylyna aýlanyp, özüni bilmek, özüniň diridigini duýmak. *Çümdi, ýüzdi, pikir deňzin boýlady; Özüne gelen dek gözün aýlady* (Ç. Gurbangylyjow). **2**) özüňi dürsemek, dykgatyňy, ünsüňi, pikiriňi öňki hala getirmek. *Ol bu sözden soň bir hili özüne gelen ýaly boldy* (B. Seýtäkow). **Özüne getirmek 1**) huşuna getirmek. *Gül suwuny sepip gül dek ýüzüne, Getiripdiler ony şol dem özüne* (Andalyp). **2**) dykgatyny, ünsüni öňki halyna getirmek; özüňi dürsemek. *Muny gören üsgüren bolup, ony özüne getirdi* (B. Seýtäkow). **Özüne bat bermek** hemme babatdahaýbatly görünmäge çalyşmak, hondanbärsi bolan bolmak. *Görogly murtuny towlap, özüne bat berdi* ("Görogly"). **Özüne**

**ýesir etmek** özüňe çekmek, özüňe bent etmek, özüňe maýyl etmek. *Onuň ýürekden joşup çykýan sözleri köp adamyny özüne ýesir etdi* (G. Kulyýew). **Özüňe buýurmak** özüňe erk edip bilmek. **Özüňe çekmek 1**) aýdylýan her bir söz özüňe degişlidir öýtmek, hasap etmek. *Her bir sözi özüňe çekip durmazlar.* **2)** *ser.* **Özüňe ýesir etmek**. *Altynyň bu görnüşi ony özüne çekdi* (A. Durdyýew). **Özüňi osmak** özi ýalydyr öýtmek. *Ogram özüni osar – orramsam* (Nakyl). **Özüňe ýer tapmazlyk** aljyraňňy halda bolup, näme etjegiňi bilmezlik. *Sorama dogan jan! Şu gün ertirden bäri birsyhly içim gysyp, özüme ýer tapamok* (T. Taganow). **Özüňi ak guş saýmak** özüňi günäsiz hasaplamak, özüňde günä goýmazlyk. *Ýalňyşmaz adam bolmaz, men özümi ak guş hasap edemok* (B. Kerbabaýew). **Özüňi aldyrmak** hemmeleriň hormatyna eýe bolmak, hemmelere özüňi halatmak, gowy gördürmek. *Ol uly-kiçä özüni aldyryp ugrapdyr.* **Özüňi alyp bilmezlik** essiňe gelip bilmezlik, haldan düşmeklik, aýňalmazlyk.**Özüňi atmak (oklamak)** bir ýere zordan ýetmek, kynlyk bilen ýetmek. **Özüňi bilmek 1)** öz bähbidiňi göz öňünde tutmak, öz haýryňa çapmak. **2**) kemala gelmek, durmuşa düşünip başlamak, agy-garany saýgaryp başlamak. **Özüňi bilmezlik** bihuş (beýhuş) bolup ýatmaklyk, akylyňy ýitirmeklik. **Özüňi dürsemek** özüňe gelmek, özüňi ele almak, ynjalmak. **Özüňi ele almak** özüňe erk edip ugramak. **Özüňi elden bermek** erkini gidermek, özüňe erk edip bilmezlik. *Kebzäm gyzyp, ragbat galman bu tende, Erkim gidip, elden berdim özümi* (Ý. Pirgulyýew). **Özüňi görkezmek** belli bir tarapdan özüňi tanatmak. **Özüňi oda urmak** kynlygyna garamazdan,bir zadyň ugrunda jan çekmek, hereket etmek. **Özüňi oňarmak.** *ser.* **Öz başyňy (özüň) çaramak.** *Keliň iň ýuwaşy hem köpriniň aşagynda ýatyp, düýe ürküzýär welin, biziň kelimiz bolsa, özüni oňarman, aşyk ýaly oýnadyp ýörýär* (A. Gowşudow). **Özüňi raslamak** *ser.***Özüňi dürsemek**. *Orazsoltan eje biçäre, çalajadan demini alyp, kem-kemden özüni rastlady* (H. Derýaýew). **Özüňi tutmak 1)** güýç ýygnamak, kuwwatlanmak, güýç-kuwwatyň artmak, berkemek. *Ertir, agşam iými näçe iýse, gaýgyrman beriň. Goý, ol basym özüni tutsun* (B. Kerbabaýew).**2**) gurplanmak, ykdysady taýdan berkleşmek, baýlaşmak. **Özüňi tutup bilmezlik** rahatlygyňy ýitirip, sandyr-sandyr edip durmak. **Özüňi uly tutmak** ulumsylyk etmek, özüňden başgalara göwnüýetmezçilik etmek. *Bolup barşy nähili? Uly tutýar özüni* (A. Alamyşow). **Özüňi ýitirmek** aljyramak. *Ol az salym özüni ýitirip durandan soň, Pälwan aga bir zat diýjek ýaly çenendi-de, ýene sesini çykarmady* (T. Taganow). **Özüňi ýokary tutmak** *ser.* **Özüňi uly tutmak.** *Ol özüni bizden ýokary tutýar ahyry* (N. Saryhanow). **Bir özi** *ser.* **Bir: bir özi**. *Toýa öýlerinden bir özi barypdyr*. **Ýeke özi.** *ser*. **Ýeke: ýeke özi**.*Gorkman ýeke özüň geldiňmi?*

**ÖZ** [ö:z] **II**, *at.* Bugdaýda, unda bolýan süýjümtik tagam, süýji şire, özleşik.

**ÖZAKYMLAÝYN** [ö:zakymlaýyn], *syp.* Öz akymy boýunça, özbaşdak, guramaçylyksyz, dolandyrylmaýan.

**ÖZAKYMLY** [ö:zakymly], *syp., ser.* **Özakymlaýyn**.

**ÖZAKYMLYLYK** [ö:zakymlylyk], *at.* Özakymly halda bolmaklyk.

**ÖZARA** [ö:za:ra], *syp.* Özleriniň arasynda bolup geçýän, biri-birleriniň arasynda, biri-birleri bilen. *Özara gürrüň. Özara duşuşyklar*.

**ÖZBAŞDAK** [ö:zvaşdak], *syp., hal.* **1**. Hiç kim bilen bile däl-de, bir özi, ýeke özi, diňe özi, aýratyn. *Özbaşdak ýaşamak.Biz halyny özbaşdak hem dokap bilerdik.* **2**. Aýry, özbaşyna gurlan. *Özbaşdak oturan tam*. **3**. *syp*. Hususy, şahsy. *Özbaşdak mellek ýeri.*

**ÖZBAŞDAKLYK** [ö:zvaşdaklyk], *at.* **1**. Hiç kime bagly dällik, özgelerden aýrylyk, özbaşyna bolmaklyk, garaşsyzlyk. *Magtymguly öz goşgularynda erkinlik, özbaşdaklyk ýaly pikirleri öňe sürüpdir.* **2**. Özüçe hereket edijilik, özüňçe iş görmeklik, özdiýenlilik, öz pikirine eýerijilik.

**ÖZBAŞYNA** [ö:zvaşyna], *hal.* **1**. Aýratynlykda, ýeke özi. **2**. Özbaşdak, aýratyn özi. *Ýaşulular belent alaňyň üstünde özbaşlaryna söhbet gurap otyrdylar.*

**ÖZBEK** [özvök], *at, ser.* **Özbekler**.

**ÖZBEKÇE** [özvökçö], *hal.* Özbek dilinde.

**ÖZBEKLER** [özvöklör], *at.* Özbegistanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ÖZBOLUŞLY** [ö:zvoluşly], *syp.* Aýratyn bir häsiýetli; özüne mahsus gylykly.

**ÖZBOLUŞLYLYK** [ö:zvoluşluluk], *at.* Özboluşly häsiýetlilik; özüne mahsus gylyklylyk.

**ÖZDIÝENLI** [ö:zziýenli], Öz diýenini edýän; diýeninden dänmeýän, özgeleriň diýenini hasaba almaýan, özbaşdaklyk edýän. *Ol örän özdiýenli ýigit.*

**ÖZDIÝENLILIK** [ö:zdiýenlilik],*at.* Öz diýenini edijilik, diýeninden dänmeýän häsiýetli bolmaklyk.

**ÖZDIÝENLIRÄK** [ö:zdlýenlirä:k], *syp.* Azda-kände özdiýenli.

**ÖZELENDIRMEK** [özölönnürmök], *işl.* Birine janygyp soratdyrmak, ýürekden haýyş etdirmek, ýalbartmak. *Çagany beýle özelendirip oturma!*

**ÖZELENIBERMEK** [özölönüvermek], *işl.* Özelenip başlamak.

**ÖZELENIŞ** [özölönüş], *iş ady.* Özelenmek ýagdaýy.

**ÖZELENIŞMEK** [özölönüşmök], *işl.* Birnäçe bolup özelenmek.

**ÖZELENME** [özölönmö], *iş ady.* Özelenmek ýagdaýy.

**ÖZELENMEK** [özölönmök], *işl.* Birinden bir zat haýyş edilende, dilenende janygyp ýalbarmak. *Ol gyzyny köşeşdirjek bolup özelendi.*

**ÖZELENMEKLIK** [özölönmöklük], *iş ady.* Özelenmek ýagdaýy.

**ÖZEN** [özön], *at.* **1**. Agajyň içki gaty bölegi. *Miweli baglaryň özeni.* **2**. Dömüp çykýan ýaralaryň jerheti, içinden çykýan ganly iriň. **3**. *göç.m.* Bir zadyň düýp manysy, esasy bölegi, merkezi.

**ÖZERKLI** [ö:zerikli], *syp.* Öz erki, ygtyýary elinde bolan.

**ÖZERKLILIK** [ö:zeriklilik], *at.* Özerkli bolmaklyk, özerkli häsiýete eýe bolujylyk.

**ÖZERKLIRÄK** [ö:zeriklirä:k], *syp.* Azda-kände özerkli.

**ÖZGE** [özğö], *hal.* **1**. Başga, aýry. *Gögerse dyrnaklar, alarsa gözler, Imandan özgesi hiçdir, ýaranlar* (Magtymguly). **2**. Keseki adam, başga kişi. *Özgäň gapysynyň öňünde ýaýdanyp durmagam bir hili* ("Edebiýat we sungat").

**ÖZGERDIJI** [özğördüjü], *at.* Bir zady öňki görnüşinden, bolşundan, ýagdaýyndan başga hala, has amatly, peýdaly görnüşe geçirýän adam. *Çöli özgerdijiler.*

**ÖZGERDILMEK** [özğördülmök], *işl.* Bir görnüşden, boluşdan başga hala geçirilmek, görnüşi üýtgedilmek.

**ÖZGERIŞ** [özğörüş], *iş ady.* Üýtgeýiş, üýtgeýişlik. *Her işgär ýagşy niýet bilen işlese, ol öz işinde düýpli özgeriş döredip biler* (B. Seýtäkow).

**ÖZGERIŞLIK** [özğörüşlük], *at.* Bir görnüşden, boluşdan, ýagdaýdan başga bir hala geçişlik, üýtgeşiklik, täzelik. *Bu özgerişlige ýetmek üçin köp zähmet çekildi.*

**ÖZGERME** [özğörmö], *iş ady.* Özgermek ýagdaýy.

**ÖZGERMEK** [özğörmök], *işl.* Bir görnüşden, boluşdan, ýagdaýdan we ş.m. başga bir hala geçmek, öwrülmek; ozalky görnüşinden has gowy tarapa üýtgemek.

**ÖZGERMEKLIK** [özğörmöklük], *iş ady.* Özgermek ýagdaýy.

**ÖZGERMEZLIK** [özğörmözlük], *iş ady.* Bir görnüşden, boluşdan başga ýagdaýa geçmezlik, görnüşini üýtgetmezlik.

**ÖZGERTME** [özğörtmö], *iş ady.* Özgertmek ýagdaýy. **2**. *at.* Düýpli üýtgetme, reforma. *Eger biz adamlara mynasyp durmuşy üpjün etmegi, olaryň maddy-hal ýagdaýyny ýokarlandyrmagy başarsak, munuň özi ähli ugurda özgertmelere has netijeli itergi berer* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**ÖZGERTMEK** [özğörtmök], *işl.* Ozalky bolşundan başga hala, ýagdaýa geçirmek, ozalky bolşundan has gowy tarapa üýtgetmek, düýpli üýtgeşiklik girizmek. *Mekdeplerde dili öwrenmegiň meselelerini çözmekde bilim özgertmesiniň häzirki döwründe täzeçe çemeleşiş gerek diýip, döwlet baştutany öz çykyşynda aýratyn belläp geçipdi* ("Türkmenistan").

**ÖZLEŞDIRIBERMEK** [ö:zlöşdürüvermek], *işl.* Özleşdirip ugramak; özleşdirmegi dowam etdirmek, özleşdirmek işini tamamlamaga ýakynlamak. *Daýhanlar täze ýerleri eýýäm özleşdiriberipdirler.*

**ÖZLEŞDIRILMEK** [ö:zlöşdürülmök], *işl.* Özleşdirmek işi durmuşa geçirilmek. *Täze ýerler özleşdirilýär. Geçilen sapak özleşdirilipdir.*

**ÖZLEŞDIRIŞ** [ö:zlöşdürüş], *iş ady.* Özleşdirmek ýagdaýy.

**ÖZLEŞDIRME** [ö:zlöşdürmö], *iş ady.* Özleşdirmek ýagdaýy. *Biziň herimiz bir ýazyjynyň eserini okap özleşdirmeli, soňra bolsa biri-birimize gürrüň bermeli edipdik.*

**ÖZLEŞDIRMEK** [ö:zlöşdürmök], *işl.* **1**. Bir zady öwrenip, oňat bilmek, doly derejede bilmek; tärini ele almak. *Iňlis dilini özleşdirmek okuwçylara agyr düşmeýär.* **2**. Işläp, bejerip peýdaly etmek, ulanar ýaly etmek, dolanyşyga girizmek, ýaramly etmek.

**ÖZLEŞDIRMEZLIK** [ö:zlöşdürmözlük], *iş ady.* Özleşdirmek işi amal edilmezlik.

**ÖZLI** [ö:zlü], *syp.* Kynlyk bilen ýolunýan hamyr. *Özli hamyr.*

**ÖZLI-ÖZI** [ö:zl(ü)-ö:zü], *çal., ser.* **Öz-özleri**.

**ÖZLÜLIK** [ö:zlülük], *syp.* Özli bolmaklyk, özi barlyk, özsüz dällik, özleşiklilik (hamyr hakynda).

**ÖZ-ÖZI** [ö:z-ö:zü], *çal.* **1**. Diňe özi, bir özi. *Onuň öz-özi hiňlenýärdi.* **2**. Özbaşdak, başga güýjüň täsiri ýetmezden. *Öz-özi işlemek.*

**ÖZ-ÖZÜNDEN** [ö:z-ö:zünnön], *çal.* **1**. *Guradylman basylan bede öz-özünden ot alyp bilýär.* **2**. Ýöne ýerden, tötänden, duýdansyz. *Üstünligiň öz-özünden gelmeýändigi düşnüklidir.*

**ÖZSÜZ** [ö:ssüz], *syp.* Özli däl, özlülik häsiýeti bolmadyk, özi ýok (hamyr hakynda). *Özsüz hamyr.*

**ÖZSÜZLIK** [ö:ssüzlük], *syp.* Özli dällik, özlülik häsiýeti bolmazlyk, özi ýokluk.

**ÖZÜÇE** [ö:züçö], *hal.* Öz pikiri boýunça, öz düşünişine görä, öz çaklamasy boýunça. *Oňa her kim özüçe düşünýärdi.*

**ÖZYGTYÝARLY** [ö:zyğtyýa:rly], *syp.* Özbaşdak hereket edýän, garaşsyz, ygtyýary öz elinde bolan. *Özygtyýarly döwlet.*

**ÖZYGTYÝARLYLYK** [ö:zyğtyýa:rlylyk], *at.* Özbaşdaklyk, garaşsyzlyk. *Türkmen halky özygtyýarlylygyny we garaşsyzlygyny gorap saklamagy başardy.*

# P

**P**, Türkmen elipbiýiniň ýigriminji harpy.

**PAÇ** [pa:ç], *at.* Bir ýurda getirilýän ýa-da başga ýurda äkidilýän harytlardan alynýan salgyt, hyraç, gümrük haky.

**PAÇAK**, *at.* Gawun, garpyz we ş.m. bakja ekinleriniň daşky gaty gabygy. *Paçagy gatamadyk terne.*

**PAÇ-HYRAÇ** [pa:ç-hyra:ç], *at, ser.* **Paç**.

**PADA** [pa:da], *at, gepl.d.* Sygyr sürüsi.

**PADYMAN** [pa:dyma:n], *at.* Sygyr çopany. *Sygyr bakar padyman, Tüýdük çalar şadyman* (Halk

döredijiliginden). *Padymanyň gyzyna gün ýaşansoň iş geler* (Atalar sözi).

**PADYMANLYK** [pa:dyma:nlyk], *at.* Sygyr çopanynyň, padymanyň käri, ýagdaýy.

**PAG** [pağ], *s.ş. aňl.söz.* **1**. Suwuklygyň birbada zogdurylyp akmagy netijesinde çykýan ses. **2**. *gepl.d.* Şowly, şowuna; işiň ugruna. *Dört bolsaň pag-da* (Aýtgy).

**PAGGYLDAMA** [pağğyllama], *iş ady.* Paggyldamak ýagdaýy.

**PAGGYLDAMAK** [pağğyllamak], *işl.* Suwuklyk paggyldyly ses çykaryp, batly akyp durmak.

**PAGGYLDAŞMAK** [pağğyllaşmak], *işl.* Birnäçe ýerde paggyldyly ses çykaryp batly akmak. *Çeşme-bulaklar paggyldaşyp akyp dur.*

**PAGGYLDATMAK** [pağğyllatmak], *işl.* Suwuklygy birden batly guýmak, akdyrmak, paglatmak. *Olar suwy palçygyň üstüne paggyldadyp guýdular.*

**PAGGYLDAÝYŞ** [pağğyllaýyş], *iş ady.* Paggyldamak ýagdaýy. *Suwuň paggyldaýyşy.*

**PAGGYLDY** [pağğylly], *at.* Suwuklyk dowamly, batly, çalt akanda çykýan sesiň ady.

**PAGLAMA** [pağlama], *iş ady.* Paglamak ýagdaýy.

**PAGLAMAK** [pağlamak], *işl.* Birden batly akmak, guýulmak, dökülmek. *Bedredäki süýt paglap gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**PAGLAŞMAK** [pağlaşmak], *işl.* Birbada birnäçe ýerden paglap akmak, dökülmek.

**PAGLATDYRMAK** [pağlatdyrmak], *işl.* Pagladyp guýdurmak, dökdürmek (suw hakda).

**PAGLATMAK** [pağlatmak], *işl.* Gapdaky suwy köp möçberde akdyrmak, birden batly akdyrmak, dökmek, guýmak. *Onsoň deňziň şor suwuny bedre bilen üstünden pagladyp guýýarlar* (S. Annasähedow).

**PAGSA** [pağsa], *at.* Palçykdan salnan tamlaryň, haýatlaryň beýikligi **6**0-70 santimetr möçberindäki her aýlawy, gory. *Dokuz pagsa gala, üç dört pagsa ýykylan bir gädigi bar eken* ("Görogly").

**PAGŞYLDAMA** [pağşyllama], *iş ady.* Pagşyldamak ýagdaýy.

**PAGŞYLDAMAK** [pağşyllamak], *işl.* **1**. Bir zat suwa batly urlanda, suw çar tarapa syçrap, pagşyldyly ses çykmak. *Ol pagşyldap, suwuň içine düşüpdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Çym-pytrak bolup döwülmek, bir ýere batly urlup ýa-da degip, bölek-bölek bolmak (çüýşe, aýna, jäjem, küýze gaplar hakynda).*Pagşyldap çym-pytrak bolmak.*

**PAGŞYLDAMAKLYK** [pağşyllamaklyk], *iş ady.* Pagşyldamak ýagdaýy.

**PAGŞYLDAŞMAK** [pağşyllaşmak], *işl.* **1**. Birnäçe bolup suwy pagşyldadyp düşmek. *Çagalar suwly ýabyň içinde pagşyldaşyp, suwa düşýärdiler.* **2**.Birnäçe ýerden pagşyldyly ses çykmak (köplenç batly zyňlyp, gaty zada urlup degen aýna, çüýşe hakynda**)**.

**PAGŞYLDATMAK** [pağşyllatmak], *işl.* **1**. Köplenç, eliň, aýagyň bilen suwa batly urup ýa-da oňa başga bir zady degrip, sesli syçratmak. **2**. Bir ýere batly urup ýa-da degrip bölek-bölek etmek, kül-uşak etmek.

**PAGŞYLDY** [pağşylly], *at.* Suwuň güýçli tolkunyndan ýa-da bir zadyň çym-pytrak bolup döwülmeginden, kül-uşak bolmagyndan döreýän ses.

**PAGTA** [pağta], *at.* **1**. Gowaçanyň hasyly, pamyk. *Daýhan birleşiginde pagta arassalaýjy, söwda-önümçilik kärhanalary hem halkyň hyzmatynda* ("Türkmenistan"). **2**. *gepl.d.* Gowaça. *Pagta ekmek. Pagta meýdany.*

◊ **Pagta bilen damagyny çalmak** birini sypaýyçylykly, mylaýym, süýji dil bilen öz diýeniňe boýun etmek, razy etmek. **Pagta ýaly** ýumşak.

**PAGTABAŞ** [pağtavaş], *at.* Kösükliler maşgalasyna degişli köpýyllyk ösümlik.

**PAGTABENT** [pağtavent], *at.* **1**. Seçme, gülle deregine däriniň üstünden pagta, keçe, esgi bölekleri dykylan peşeň.

◊ **Pagtabent atylan ýaly bolmak** boş ýaňran ýaly bolmak, güplän ýaly bolmak. *Meniňki bolsa pagtabent atylan ýaly gury ses bolýa galyberýär* (B. Seýtäkow).

**PAGTAÇY** [pağtaçy], *at.* Gowaça ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan daýhan, gowaça ösdürip ýetişdirmek boýunça hünärmen. *Ýurdumyzyň pagtaçylary ýygymyň depginini günsaýyn güýçlendirýärler.*

**PAGTAÇYLYK** [pağtaçylyk], *at.* **1**. Oba hojalygynyň gowaça ösdürip, pagta hasylyny alýan pudagy. *Pagtaçylykda-da gowy netijeler gazanan kärendeçiler az bolmady* ("Türkmenistan"). **2**. Gowaça ekilen meýdan, giden pagta meýdany, pagtalyk. *Biz pagtaçylyga aýlanyp gördük.*

**PAGTALY** [pağtaly], *syp.* **1**. Içine pagta salnan, dykylan. *Olar pagtaly ganaryň üstünde oturyp, bir salym gürrüň etdiler* (B. Kerbabaýew). **2**. Pagta salnyp tikilen. *Gylyç Mergen gyşyna pagtaly don geýerdi* (A. Gowşudow).

**PAGTALYK** [pağtalyk], *at.* **1.** *ser.* **Pagtaçylyk.** *Pagtalyk meýdan.* **2**. Bahasyny pagta ýetişeninden soň üzülişmek şerti bilen nesýe alynýan zat; soňra gaýtarylyp berilýän bergi. *Seniň dükanyňdan zat alsak, pagtalyk diýip aldyk* (A. Gowşudow).

**PAGTAZARLYK** [pağtaza:rlyk], *at,* Gowaça ekilen meýdan, giden pagta meýdany, pagtalyk (dabaraly ýokary äheň bilen aýdylýan söz). *Biziň alnymyzda ýene bir pagtazarlyk göründi* ("Edebiýat we sungat").

**PAGYŞ-PAGYŞ** [pağyş-pağyş], *s.ş.aňl.söz.*Yzly-yzyna çykýan pagşyldyly sesler. *Nawyň kütek burny tolkuna degip, pagyş-pagyş edip suwy bölýärdi* (Ş. Borjakow).

**PAGYŞ-PARA** [pağyş-pa:ra]: **pagyş-para bolmak** çym-pytrak bolmak, çym-pytrak bolup dagamak, döwülmek. *Çüýşe pagyş-para bolup pytrady.* **Pagyş-para eremek (eretmek) 1**) eremek, suwuklyga öwrülmek, suw bolup akmak. *Şeýdip lowlap gelýärkä okeanyň deňinden, Doňup ýatan okean bugarypdyr deminden.Ýuwaş-ýuwaş bugaryp,*

*pagyş-para eräpdir. Şeýdip dünýäň ýüzünde birden Tomus döräpdir* (K.Gurbannepesow). *Gar gün çogunyň astynda pagyş-para eredi.* **2)** özüni ýitirmek, süňňi gowşap, ygtyýary gitmek. *Öz eziziniň dilinden aýdylan bu sözler Göwheri pagyş-para eretdi* (A. Gurbanow).

**PAH**, *üml.* Haýran bolmagy, geň galmagy, ahmyr etmegi we ş.m. aňlatmak üçin aýdylýar. *Pah, munuň bilijiligine bir seretsene!* (A. Gowşudow).

**PAHAÝ**, *üml., ser.* **Päheý**. *Pahaý, ejemiň aýdýanyna sered-ä!* (A. Durdyýew).

**PAHNA**, *at.* **1**. Owratmagy kyn bolan töňňeleri jaýyrmak üçin ulanylýan bir tarapy ýogyn, beýleki tarapy inçelip gidýän demir ýa-da agaç bölegi, şine. **2**. Çekijiň, paltanyň sapy gymyldamaz ýaly berklik üçin kakylýan bir ujy inçeldilen ýasyja agaç bölegi ýa-da demir, şine. *Paltanyň sapyna pahna kakmak.* **3**. Sütüniň üstünden goýulýan agaç ýassyk. **4**. Serhet ýakasyndaky sürlen ýer.

◊ **Pahna urmak** agzalalyk döretmek, närazylyk döretmek.

**PAHNALAMA**,*iş ady.* Pahnalamak ýagdaýy.

**PAHNALAMAK**, *işl.* **1**. Pahna kakmak, pahna kakyp jaýyrmak, ýarmak. **2**. Çekijiň, paltanyň sapyna pahna, şine urmak, kakmak.

**PAHNALAMAZLYK**, *işl.* Pahna kakylmazlyk.

**PAHNALANMAK**, *işl.* Pahna kakylmak, şine urulmak.

**PAHNALAŞMAK**, *işl.* Pahnalamaga kömekleşmek, şine kakyşmak.

**PAHNALATMAK**, *işl.* Pahnalamak işini başga birine etdirmek.

**PAHYR** [pahy:r], *syp.* **1**. Barly däl, eli ýuka, gurpsuz, garyp, pukara. *Ol pahyr ýarlykly garypdy* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Biçäre, görgüli, betbagt, ejiz. *Hesel pahyr näme etjegini bilmän, gyrgyň eline düşen guş ýaly çugutdyryp otyr* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Ölen, ýogalan, aradan çykan.

◊ **Pahyr bolmak** ölmek, ýogalmak, aradan çykmak.

**PAHYRLYK** [pahy:rlyk], *at.* **1**. Barly dällik, eli ýukalyk, gurpsuzlyk, garyplyk. **2**. Biçärelik, betbagtlyk, ejizlik.

**PAHYR-PUKARA** [pahy:r-pukora:], *syp.,ser.* **Pahyr**.

**PAJARLAMA** [pa:jarlama], *iş ady.* Pajarlamak ýagdaýy.

**PAJARLAMAK** [pa:jarlamak], *işl., gepl.d.* Ersip galmak, ersmek, möwç alyp ösmek, möwjemek.

◊ **Pajarlap ösmek** *ser.* **Gülläp ösmek**.

**PAJYGA** [pa:jyğa], *at.* Örän agyr, örän ýaramaz ýagdaý, ýüregi lerzana getiriji betbagtçylykly waka, hadysa. *Gör nähili pajyga!* (B. Kerbabaýew).

**PAJYGALY** [pa:jyğaly], *syp.* Gaýgy-hasrata ýugrulan, ýüregi lerzana getiriji, elhenç wakalar. *Meniň gözümiň öňüne aýratyn pajygaly wakalar gelýär* (B. Kerbabaýew).

**PAJYGALYLYK** [pa:jyğalylyk], *at.* Pajygaly bolmaklyk.

**PAJYMAN** [pa:jyma:n], *at, k.d.* Salgyt, paç ýygnamak bilen meşgullanýan adam, salgytçy.

**PAŽ**, *s.ş. aňl.söz.* Sygyr, geçi saglanda, suwa bökülende, suw tolkun atyp, gyra, kenara urlanda pažžyldap çykýan ses.

**PAŽŽYLDAMA** [pažžyllama], *iş ady.* Pažžyldamak ýagdaýy

**PAŽŽYLDAMAK** [pažžyllamak], *işl.* Pažžyldyly ses çykarmak, seslenmek. *Pyžžyldaýan suw Çaryýara Eşitdirmedi aýak sesin* (Ç. Aşyrow).

**PAŽŽYLDAMAZLYK** [pažžyllamazlyk], *iş ady.* Pažžyldap ses çykarmazlyk.

**PAŽŽYLDAŞMAK** [pažžyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna pažžyldyly ses çykmak.

**PAŽŽYLDATMAK** [pažžyllatmak], *işl.* Suwda pažžyldyly ses çykarmak. *Birden oň ýanynda bir balyk bir guýrugy bilen suwy pažžyldatdy* (A. Annaberdiýew).

**PAŽŽYLDAÝYŞ** [pažžyllaýyş], *iş ady* Pažžyldamak ýagdaýy.

**PAŽŽYLDY** [pažžylly], *at.* Sygyr, geçi saglanda, suwa bökülende, suw tolkun atyp, gyra, kenara urlanda, paž edip çykýan sesiň ady. *Pažžyldy eşidildi, aşak oturdyk* (N. Pomma).

**PAK**, *syp.* **1**. Içinde dok maňzy ýok, boş, maňyzsyz. *Aýyplaşmaň, köp hozuň içinde bir sany pak çykýanam bolýar ahyry* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Puç, biderek, boş, netijesiz, gury gürrüň.

**PAKGARÇAK**, *at.* Ýer depmekden eliňe ýa-da gyzgyn zadyň dökülmegi netijesinde teniňe suw ýygnanyp, pakgaran ýeri, gabarçak. *Elimden gidenok pakgarçak yzy* (Baýly şahyr).

**PAKGARÇAKLY**, *syp.* Pakgaryp, gabaryp duran. *Pakgarçakly el.*

**PAKGARMA**, *iş ady.* Pakgarmak ýagdaýy.

**PAKGARMAK**, *işl.* **1**.Bedeniň bir ýeri çişmek, çiş, gabarçyk emele gelmek, pökgermek. *Pakgaryp, dili hiç zada öwrülmeýäni üçin sesi çykmaýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Öwnüp gürlemek, güplemek.

**PAKGARMAZLYK**, *iş ady.* Pakgaryp çişmezlik, gabarçak emele gelmezlik.

**PAKGARTMAK**, *işl.* Bedeniň bir ýerini çişirmek, pökgertmek, çiş döremegine sebäp bolmak.

**PAKGARYŞ**, *iş ady.* Pakgarmak ýagdaýy.

**PAKGARYŞMAK**, *işl.* **1**.Köp ýeri pakgarmak. *Wah, endamym gyzyl ary çakan ýaly pakgaryşyp durandyr* (N. Pomma). **2**. Birbäçe bolup bilelikde pakgarmak. *Näme, beýdip ýersiz ýere pakgaryşan bolup otyrsyňyz?*

**PAKGY**,*syp.* Pökgerip duran, pakgaryp duran. – *Haý, zaňňar, pakgy gulak! Gör nähili ýeser eken-ow! – diýip, gaýta-gaýta kellesini ýaýkady* (B. Gurbanow).

**PAKGYLDAMA** [pakgyllama], *iş ady.* Pakgyldamak ýagdaýy.

**PAKGYLDAMAK** [pakgyllamak], *işl.* Agzyň zarply açylyp-ýumulmagy netijesinde pakgyldyly ses çykmak, pakgyldyly seslenmek.

**PAKGYLDAŞMAK** [pakgyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna pakgyldamak.

**PAKGYLDATMAK** [pakgyllatmak], *işl.* Agzyňy zarply açyp-ýumup, pakgyldyly ses çykarmak, pakgyldyly ses emele getirmek. *Agzyny pakgyldatmak.*

**PAKGYLDAÝYŞ** [pakgyllaýyş], *iş ady.* Pakgyldamak ýagdaýy.

**PAKGYLDY** [pakgylly], *at.* Howanyň agyzdan zarply çykmagy sebäpli emele gelýän sesiň ady.

**PAKLAMA** [pakylama], *iş ady.* Paklamak ýagdaýy.

**PAKLAMAK** [pakylamak], *işl., ser.* **Parkyldamak**.*Ýumurtgany oda gömdüm, paklap ýarylyp gitdi* (Sanawaçdan).

**PAKLAMAKLYK** [pakylamaklyk], *iş ady.* Paklamak ýagdaýy.

**PAKLAÝYŞ** [pakylaýyş], *iş ady.* Paklamak ýagdaýy.

**PAKLAW** [paklow], *syp.* Içiniň özeni bolmadyk, içi çüýrän, boşap giden (agaç, gabarçyk ýara we ş.m.). *Paklaw agaç. Elimiň içi paklaw, paklaw çişipdir.*

**PAKYR** [paky:r], *at, ser.* **Pahyr**. *Kemine diýr, daň atar alla maňa ýar bolsa, Özge çatma gerekmez, pakyr çatma bar bolsa* (Kemine). *Gurban aga pakyr, düňk-düňk edip, şol sokuda däri döwerdi* (A. Gowşudow). *Atam pahyr: "Az gepläň-de, käň diňläň" diýerdi* ("Edebiýat we sungat").

**PAKYRDAMA**, *iş ady.* Pakyrdamak ýagdaýy.

**PAKYRDAMAK**, *işl.* Köp bolup, birden sesli gülmek. *–...Annaguly sölpi Berdi ogly iki ýarym gün –diýeninden, hemmesi pakyrdap gülüşdiler* (A. Durdyýew).

**PAKYRDAŞMAK**, *işl.* Köp bolup gaty gülmek. *Olar pakyrdaşyp gülüşdiler.*

**PAKYRDATMAK**,*işl.* Pakyrdyly ses çykarmak.

**PAKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Pakyrdamak ýagdaýy.

**PAKYRDY**,*at.* Gaty çykýan köpçülikleýin gülki.

◊ **Pakyrda bermek** köpçülik bolup, birden gaty gülüşmek. *Märeke birden pakyrda berdi* (B. Öwezow).

**PAKYRLYK** [paky:rlyk], *at, ser.* **Pahyrlyk**. *Istese deň-duşlar başa altyn täç, Pakyrlyk mülkünde maňa bergin paç* (Magtymguly).

**PAL** [pa:l], *at.* Daş, gumalak we ş.m. zatlar arkaly geljegi we geçeni bilmek usuly, ýoly, täri. *Ýada hem näz etmek, öýke – gardaşa, Pala, gurra uýmak, ynanmak düýşe, Dogaça – utanmak, gahar – derwüşe, Nebis üçin il gezmek pire ýaraşmaz* (Zelili).

◊ **Pal atmak** geçeni we geljegi bilmek üçin täleýe garamak.

**PALAÇ**, *at.* Jöwen, mekgejöwen ýaly ekinleriň çiňrigi. *Şeker palajynyň goşulyp ysy, Düşnüksiz bir tagam beýnime urdy* (K. Gurbannepesow).

◊ **Palaç ýatyran ýaly etmek (ýatyrmak)** bir ýan ujundan gyrmak, seljermän öldürişdirmek.

**PALAK**, *syp.* Içi zaýalanan, içi düşen (ýumurtga hakynda). *Palak ýumurtgadan jüýje çykmaz* (H. Derýaýew).

**PALAN**, *at.* **1**. Gaňňa ýerine, köplenç, eşege salynýan, içi ýekenden, samandan doldurylan, daşy kilimden, keçeden edilen esbap. – *Ýör, gideli! – diýip, ol eşeginiň palanyna ýapyşdy* (B. Soltannyýazow). **2**. Ýük daşamak üçin hammalyň arkasyna atýan esbaby.

**PALANA**,*at.* Käriziň söwi ýykylmaz ýaly aýlaw edilip örülen agaç, egri guýma daş, beton.

**PALANÇAÝYR**, *at.* Däneliler maşgalasyna degişli bolan süýri ýaprakly, penje gülli köpýyllyk ösümlik.

**PALANLAMA**, *iş ady.* Palanlamak ýagdaýy.

**PALANLAMAK**, *işl.* **1**. Eşegiň üstüne palan atyp berkitmek, palan salmak. **2**. *göç.m.* Çykgynsyz güne salmak, birini garaşly etmek, özüňe boýun etmek.

**PALANLAMAKLYK**, *iş ady.* Palanlamak ýagdaýy.

**PALANLANMAK**, *işl.* Üstüne palan salynmak, palan atylmak. *Ol palanlanan eşegi sütüne daňyp goýdy.*

**PALANLAŞMAK**, *işl.* Üstüne palan salmaga kömekleşmek.

**PALANLATMAK**, *işl.* Üstüne palan saldyrmak, palan atdyrmak.

**PALANLAÝYŞ**, *iş ady.* Palanlamak ýagdaýy.

**PALAN-PISMIDAN** [pala:n-pismida:n], *çal, gepl.d., ser.* **Pylan-pismidan**.

**PALAS** [pala:s], *at.* Reňkli ýüplerden nagyşlar salnyp, öýdelip dokalýan uly düşek. *Gyzykly geçýändir türkmeniň toýy, Halydan, palasdan bezýär öýi* (A. Kekilow). *Süpürilip, arassalanyp hemme ýerine haly, palas, keçe düşelipdir* (B. Seýtäkow).

◊ **Palas haky** däp-dessura görä, çykjak gyzyň ýanynda oturanlary palasdan düşürmek üçin, köplenç, öýlenýän ýigidiň ýakyn hossarlarynyň palasa münen aýallara paýlaýan puly.

**PALASLYK** [pala:slyk], *syp.* Palas dokamak üçin gerekli. *Palaslyk ýüp.*

**PALAW** [palow], *at.* Ýagda gowrulan etiň üstüne sogan, käşir dograp, suw guýlup, tüwi atylyp, buglanyp bişirilýän nahar. *Gury sözden palaw bolmaz, ýag bilen tüwüsi bolmasa* (Nakyl). *Boşapdy bäş sany palawly çanak...* (K. Gurbannepesow).

**PALÇY** [pa:lçy], *at.* Pal atmak bilen meşgullanýan adam. *Palçy – ýalançy* (Nakyl).

**PALÇYK**, *at.* **1.** Ýagşyň ýa-da suwuň täsiri netijesinde emele gelen laý. *Şykgy palçyk ýöremegi kynlaşdyrýar* (A. Durdyýew). **2**. Toprak bilen suw garylyp, gurluşyk işlerinde peýdalanylýan laý. *Onuň howlusynyň daş-töweregine aýlanan diwary palçykdan galdyrylan galyň haýatdy* (A. Gowşudow).

**PALÇYKLAMA**, *iş ady.* Palçyklamak ýagdaýy.

**PALÇYKLAMAK**, *işl.* Palçyk çalmak; daş-töweregi palçyk etmek. *Arynyň öýüni palçyklamak. Aýagyňyz bilen palçyk getirip, eýwany palçyklap durmaň!*

**PALÇYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Palçyklamak ýagdaýy.

**PALÇYKLANMAK**, *işl.* Palçyk çalynmak.

**PALÇYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Palçyklamak ýagdaýy.

**PALÇYKLYK**, **1**. *at.* Ýagşyň ýa-da suwuň täsiri netijesinde palçyga öwrülen ýer. **2**. *syp.* Palçyk etmek üçin gerek bolan. *Palçyklyk gum.*

**PALÇYLDAMA** [palçyllama], *iş ady.* Palçyldamak ýagdaýy.

**PALÇYLDAMAK** [palçyllamak], *işl.* Ýere batly gaçmak, gaty ýykylmak, palçyldyly ses çykmak. *Garpyz gaty ýere palçyldap gaçyp, çym-pytrak boldy.*

**PALÇYLDAMAKLYK** [palçyllamaklyk], *iş ady.* Palçyldamak ýagdaýy.

**PALÇYLDAŞMAK** [palçyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna ýere gaçmak.

**PALÇYLDATMAK** [palçyllatmak], *işl.* **1**. Ýere batly gaçyrmak, taşlamak, eliňden gaçyryp, kül-uşak etmek. **2**. *göç.m.* Ýumruk salmak, eliň bilen urmak. *Elini salgap, ýüzüne palçyldadyp goýberdi.*

**PALÇYLDAÝYŞ** [palçyllaýyş], *iş ady.* Palçyldamak ýagdaýy.

**PALÇYLDY** [palçylly], *at.* Ýere gaty ýykylmak, ýere batly gaçmak we ş.m. sebäpli çykýan sesiň ady.

**PALÇYLYK** [pa:lçylyk], *at.* Palçynyň käri, ýagdaýy.

**PALLAMA** [pa:llama], *iş ady.* Pallamak ýagdaýy.

**PALLAMAK** [pa:llamak], *işl.* Ýadawlykdan ýa-da ukyň tutmagy sebäpli agzyňy giň açyp, ilki howany içiňe sorup, soňundan hem daşyňa çykarmak. *Çagajyk uludan pallady.*

**PALLAMAKLYK** [pa:llamaklyk], *iş ady.* Pallamak ýagdaýy.

**PALLAŞMAK** [pa:llaşmak], *işl.* Birnäçe bolup pallap oturmak. *Çagalar pallaşyp başlady.*

**PALLATMAK** [pa:llatmak], *işl.* Pallamak derejesine ýetirmek. *Çagalary wagtynda ýatyraýsaň bolmaýarmy, ýöne palladyp otyrsyň.*

**PALLAÝYŞ** [pa:llaýyş], *iş ady.* Pallamak ýagdaýy.

**PALMAN** [pa:lma:n], *at, kön.s., ser.* **Palçy.** *Gurrandazlar gurra saldy, müneçjimler kitap açdy, palmanlar pal garady* ("Görogly").

**PALTA**, *at.* **1**. Çapmak üçin taplanyp ýasalan, kesýän tarapy ýasy, çüwdeli, ýiti ýüzli, saply gural; sowuk ýarag. *Maňa bir palta ýasap bermegi ýadyňdan çykarma* (A. Gowşudow). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Paltaň daşa degmek** bir işi amala aşyrmakda uly garşylyga duçar bolmak, etjek işiň başa barmazlyk.

**PALTALAMA**, *iş ady.* Paltalamak ýagdaýy.

**PALTALAMAK**, *işl.* Palta bilen çapmak.

**PALTALAMAKLYK**,*iş ady.* Paltalamak ýagdaýy.

**PALTALANMAK**, *işl.* Palta bilen çapylmak.

**PALTALAŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe zady palta bilen çapyp çykmak.

**PALTALAŞMAK**, *işl.* **1**. Paltalamaga kömek etmek. *Kakama goparyp aýyrmak üçin guran erigiň köküni paltalaşdym.* **2**. Biri-biriňi paltalamak, biri-biriňe palta salmak. *Öjügişmäňem çeni-çaky bardyr, indi bes etmejek bolsaňyz, size indi diňe paltalaşaýmak galýar.*

**PALTALATMAK**, *işl.* Palta bilen çapdyrmak, bölekletmek.

**PALTALAÝYŞ**, *iş ady.* Paltalamak ýagdaýy.

**PALTATUMŞUK**, *at.* Guşlaryň serçeler bölümine degişli, kellesiniň üsti, boýun, arka we döş ýelekleri gara, garny we guýruk ýelekleri gögümtil-sary, ganat ýelekleri goňras-gara reňkli guş.

**PALTUN** [paltu:n], *at.* Etegi dyzyňa ýetip ýa-da dyzyňdan geçip duran ýyly gyş eşigi, palto.

**PAMYK** [pa:myk], *at.* **1**. Işlenip taýýarlanan pagta süýümi. **2**. Gyza dakylýan at.

**PANAR**, *at.* Agaçdan kesilip alnan ýukajyk gatlar biri-birine atanaklaýyn ýelimlenip ýasalan gurluşyk materialy.

**PANUS** [pa:nu:s / pa:nys], *at.* Çüýşeli çyranyň elde göterilýän görnüşi.

**PANY** [pa:ny], *syp.* Hemişelik däl, ýalançy, wagtlaýyn (şu dünýä hakynda). *Magtymguly, dünýä panydyr, pany* (Magtymguly). *Käsi sessiz-üýnsüz gidipdir uka, Käsi ýüz tutupdyr panydan baka* (A. Kekilow).

◊ **Panydan geçmek (ötmek)** aradan çykmak, wepat bolmak, ölmek. *Dosty-ýaran, deňim-duşum, Bu panydan ötüp barmyş* (Magtymguly). **Panydan gaýtmak (ötmek)** ölmek.

**PANYLYK** [pa:nylyk], *at.* Pany bolmaklyk, baky dällik (dünýä hakynda).

**PANYÝET** [pa:nyýet], *at.* Dünýä, bu dünýä. *Gök çaýyň başynda gyzyşdy gürrüň, Gürlendi panyýet, bakyýet hakda* (K. Gurbannepesow).

**PAŇ**, *syp.* Paňlap ýören, öwünjeň, güplemegi gowy görýän. *Ol-a bir barypýatan paňdyr.*

**PAŇK**, *s.ş.aňl.söz.* Paňkyldawuk oýnunda eliň bilen ýere batly urlan palçykdan çykýan ses.

**PAŇKARMA**, *iş ady.* Paňkarmak ýagdaýy.

**PAŇKARMAK**, *işl., ser.* **Paňlamak**.

**PAŇKARMAKLYK**, *iş ady.* Paňkarmak ýagdaýy.

**PAŇKARYŞ**, *iş ady.* Paňkarmak ýagdaýy.

**PAŇKARYŞMAK**, *ser.* **Paňlaşmak**.

**PAŇKELLE**, *syp.* Boş kelle, samsyk, akmak. *Bu sandan galan paňkellä serediň!* (A. Gowşudow).

**PAŇKELLELIK**, *at.* Paňkellä mahsus bolan gylyk-häsiýet, samsyklyk, akmaklyk. *Paňkellelik etmek.*

**PAŇKYLDAMA** [paňkyllama], *iş ady.* Paňkyldamak ýagdaýy.

**PAŇKYLDAMAK** [paňkyllamak], *işl.* Paňkyldyly ses çykarmak, paňkyldyly ses döretmek.

**PAŇKYLDAWUK** [paňkyllowuk], *at.* Çagalaryň palçygy tegeläp, ortasyny çukurrak edip ýukaldyp, ony ýere uranda, ýer bilen palçygyň arasynda galan howa ýarylyp, paňkyldyly ses çykarýan oýnunyň ady. *Olar palçykdan paňkyldawuk oýnaýardylar* (K. Jumaýew).

**PAŇKYLDAÝYŞ** [paňkyllaýyş], *iş ady.* Paňkyldamak ýagdaýy.

**PAŇKYLDY** [paňkylly], *at.*Ýer bilen palçygyň arasynda galan howa ýarylanda çykýan sesiň ady.

**PAŇLAMA,** *iş ady.* Paňlamak ýagdaýy.

**PAŇLAMAK**, *işl.* Öwnüp batly-batly gürlemek, çişmek. *Sähel bir zat bolsa, men-menlik satyp, paňlar eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**PAŇLAMAKLYK**, *iş ady.* Paňlamak ýagdaýy.

**PAŇLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde paňlamak. *Paňlaşyp oturmaň-da, işiňiz bilen boluň.*

**PAŇLAÝYŞ**, *iş ady.* Paňlamak ýagdaýy.

**PAŇ-PAŇ: paň-paň etmek** *ser.* **Paňlamak.***Sözüňe gulak salyndygy paň-paň edip başlaýaň?*

**PAPA** [pa:pa], *at.* Rim katolik ybadathanasynyň iň ýokary derejeli baştutany. *Rim papasy.*

**PAPAK**, *at.* Ýerligi, köplenç, matadan bolup, maňlaýyna gaş oturdylyp tikilýän we erkek adamlar tarapyndan geýilýän başgap.

**PAPAKÇY**, *at.* Papak tikmek bilen mesgullanýan ussa.

**PAPAKLYK**, *syp.* Papak tikmek üçin niýetlenen, gerekli (mata we ş.m. zatlar). *Papaklyk mata.*

**PAPIROS** [papiro:s / papyru:s], *at.* Uç tarapynyň içine temmäki dykylan ýukajyk kagyz turbajykly çilim.

**PAPKA** [pa:pka], *at.* Içine kagyz salmak üçin gaty kagyzdan ýa-da gaýyşdan edilen daşlyk. *Perman papkany açdy-da, hemme zatdan öňürti onuň terjimehalyny okamaga durdy* (T. Taganow).

**PAR**, *syp.* Öňki ýyl sürlüp, üstünden ýyl aşan (ýer hakynda). *Güýzde däne ekilmedik ýer juda bir köpem däldi. Esasan, täze açylan ak ýerlerdi, kiçeňräk hemem suw çykmasy kynrak par pellerdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**PARA** [pa:ra] **I**, *at.* **1**. Bölek. *Ystyhanym altmyş para etdiler* (Magtymguly). *Aýyň parasy ýaly gyz.* **2**. *kön.s.* Şaýylyk pul. **3**. *zergärç.* Ortasy güberçek gaşly, töweregi nokat-nokat, çybyk nagyşly, dört tarapy gulpluja, süýnmegräk bezeg şaý. **4**. Bikanun edilen işiň, hereketiň üstüni ýapmak ýa-da bikanun iş etdirmek niýeti bilen berilýän ýa-da alynýan pul, zat, berim, para-peşgeş. **5**. Oglanlaryň tegelejik gurşuny ýüňi seçelenip duran deri bölejiginiň aşagyna berkidip oýnaýan oýny.

**PARAGRAF** [para:ğyraf], *at.*Babyň, bölümiň içinde § belgisi bilen aňladylýan belgi we şol belginiň ady.

**PARAHAT** [para:hat], *syp.* **1**. Uruşsyz, dawasyz, asuda, dynç. *Parahat durmuş. Parahat ýaşaýyş.* **2**. Ýuwaş, ümsüm. *Deňiz parahatka synla bir meýdan – Ruhuň deňiz bilen hezil ediner* (G.Ezizow.) **3**. Rahat, arkaýyn, erkin. *Iňrik garaldy-da, ýyldyzlar ýandy, Hemme zat parahat dem alýar indi* (G. Ezizow). **4**. Adam ady.

**PARAHATÇYLYK** [para:hatçylyk], *at, ser.* **Parahatlyk**. **1**. *Dostluk, doganlyk, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýoly bilen ýöräp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**PARAHATÇYLYKLY** [para:hatçylykly], *syp.* Parahatçylygy ileri tutýan, parahatçylyga esaslanýan. *Parahatçylykly syýasat.*

**PARAHATLANMA** [para:hatlanma], *iş ady.* Parahatlanmak ýagdaýy.

**PARAHATLANMAK** [para:hatlanmak], *işl.* Rahatlanmak, asuda ýagdaýa geçmek, ynjalmak, rahatlyk tapmak, köşeşmek. *Görogly Agaýunusyň bu sözünden soň biraz parahatlandy* ("Görogly").

**PARAHATLYK** [para:hatlyk], *at.* **1**. Uruşsyz, asuda, dawa-jenjelsiz, ylalaşykly ýaşaýyş, parahatçylyk. **2**. Ümsümlik, asudalyk, dynçlyk. *Mukaddes daragt, bütin töwerek dym-dyrs parahatlykdy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Rahatlyk, arkaýynlyk. *Jar çekilensoň, märekä parahatlyk aralaşdy* (H. Garabaýew).

**PARAHOR** [pa:raho:r], *syp.* Para alýan (adam).

**PARAHORLYK** [pa:raho:rluk], *at.* Kanun tarapyndan jenaýat jogapkärçiligine çekilýän para almak hereketi *(ser.* **Para 1.***);* para almak bilen meşgullanmak gylygy, parahor bolmaklyk, para almaklyk.

**PARALAMA** [pa:ralama], *iş ady.* Paralamak ýagdaýy.

**PARALAMAK** [pa:ralamak], *işl.* **1**. Bölek-bölek etmek, tike-tike etmek. *Öldür meni hanjar birle paralap* ("Melike – Dilaram"). *Magtymguly, ilden-ile aralar, Hijran tygy bilen bagrym paralar* (Magtymguly). *Döşüni paralap duşman güllesi, Watan howp astynda durýan pillesi, Merdem bol, ene jan, bes et ahyňy, Men halkyň perzendi, düsün ahyry* (G. Ezizow).

◊ **Janyny paralamak** janygyp aýtmak, janyndan syzdyrmak, tüýs ýürekden aýtmak. *Ejegül janyny paralap aýtdy* (A. Durdyýew).

**PARALAMAKLYK** [pa:ralamaklyk], *iş ady.* Paralamak ýagdaýy.

**PARALANMAK** [pa:ralanmak], *işl., ser.* Bölek-bölek bolmak. *Dert baryny çeken agyryly ýürek, ýene paralandy öňküden beter* (A. Kekilow).

**PARALATMAK** [pa:ralatmak], *işl., ser.* Bölek-bölek etdirmek, parçalatmak.

**PARALAÝYŞ** [pa:ralaýyş], *iş ady.* Paralamak ýagdaýy.

**PARALLEL** [paralle:l], *at.* **1**. *geom.* Şol bir tekizlikde ýatan we biri-biri bilen hiç haçan kesişmeýän göni çyzyklaryň her haýsysy. *Seniň ýoluň / ýolumyza parallel! Paralleller kesişmeýär hiç haçan* (G. Ezizow). *Parallel çyzyklar.* **2**. *geogr.* Ýer togalagynyň üstüniň ekwatora parallel bolan tekizlik bilen kesişme çyzygy (bir parallelde ýatan nokatlaryň hemmesi meňzeş geografik giňişlige degişlidir).

**PARAMA** [pa:rama], *iş ady.* Paramak ýagdaýy.

**PARAMAK** [pa:ramak], *işl.* Düýtmek. *Saňa paran zat bolarmyka? Aýagy edil aranly ýaly, oňa köwüş paran däldir.*

**PARAMAZLYK** [pa:ramazlyk], *iş ady.* Çydamazlyk, düýtmezlik. *Saňa-da eşik paranok.*

**PARA-PARA** [pa:ra-pa:ra], *hal.* Birnäçe bölek, bölek-bölek; kesim-kesim. *Gara-gara bulutlar,*

*Para-para bolupdyr* (G.Ezizow).

**PARA-PEŞGEŞ** [pa:ra-peşgeş], *at, ser.* Para **I**,**1**.

**PARASAT** [parasa:t], *at.* Aň düşünje, pähim-paýhas, akyl. *Parasat kyl bakyp akla, Goç ýigidiň sözün hakla* (Magtymguly).

**PARASATLY** [parasa:tly], *syp.* Aňrybaş derejede paýhasly, akylly, giň düşünjeli, pähimli, bilimli we tejribeli. *Aýak däl-de, parasatly baş bilen Ýeňse ogul – gözüň rahat ýumup git* (K.Gurbannepesow).

**PARASATLYLYK** [parasa:tlylyk], *at.* Parasatly bolmaklyk, sagdyn düşünjelilik, akyllylyk, paýhaslylyk, pähimlilik. *Her bir zatda parasatlylyk gerek.*

**PARAWUZ**, *at.* Don, çäkmen, içmek ýaly eşikleriň daş ýa-da iç ýakasyna, gyrasyna, etegine owadanlyk üçin tutulýan insizje donluk ýa-da çepbetow mata. *Içmege parawuz tutmak.*

**PARAWUZLAMA** [parowuzlomo], *iş ady.* Parawuzlamak ýagdaýy.

**PARAWUZLAMAK** [parowuzlomok], *işl.* Käbir daşky eşiklere parawuz tutmak. *Içmegi parawuzlamak.*

**PARAWUZLANMAK** [parowuzlonmok], *işl.* Käbir daşky eşikleriň gyrasyna parawuz tutulmak. *Märekäniň bir tarapynda gyrasy parawuzlanan bagana içmegi egnine ýasgynjak alan, gysga boýly, emma gapak ýaly ýasy döşli, agras gara ýüz, gür sakgally bir adam durdy* (A. Gowşudow).

**PARAWUZLAŞMAK** [parowuzloşmok], *işl.* **1**. Parawuzlamaga kömekleşmek. *Gyzy ejesine çäkmen parawuzlaşdy.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde parawuzlamak *(parawuzla-* ýasama işligine hal işliginiň *-yp* goşulmasy goşulandan soň *otur-* kömekçi işligi getirilip ulanylýar*). Eneli gyz bazara çykarylmaly çäkmenleri parawuzlaşyp otyrdy.*

**PARAWUZLATMAK** [parowuzlotmok], *işl.* Parawuzlamak işini başga birine etdirmek. *Ýaşuly tiken içmegini gyzyna parawuzlatdy.*

**PARAWUZLAÝYŞ** [parowuzloýuş], *iş ady.* Parawuzlamak ýagdaýy.

**PARAWUZLYK** [parowuzluk], *syp.* Parawuz etmek üçin niýetlenen, parawuz eder ýaly (donluk mata, çepbetow mata).

**PARAÝYŞ** [pa:raýyş], *iş ady.* Paramak ýagdaýy.

**PARÇ: parç bolmak** boý alyp ösmek, pajarlap ösmek. **Parç gülli** al-ýaşyl, gök öwüsýän ösümlik şekili çekilen gülli (mata hakynda).

**PARÇA I**, *at.* **1.** Bitewi zatdan kesilip ýa-da bölünip alnan bölek, bitin, tutuş zadyň bölegi. *Durdy çopan sürä baryp, ozaldan et üçin niýetlenip ýörlen goýunlardan birini tutup soýupdyr we möjekler bilen dişleşen itleriň her haýsyna bir parça guýruk beripdir* (A. Gowşudow). **2.** Gyza dakylýan at.

**PARÇA II**, *at.* Owadan gülli ýüpek mata. *Parça geýse, gyz-oglana syn bolar* (Magtymguly). *Sandyklaryň ýüpek parçadan doly* (K. Gurbannepesow).

**PARÇALAMA**, *iş ady.* Parçalamak ýagdaýy.

**PARÇALAMAK**, *işl.* **1**. Böleklere bölmek, bölek-bölek etmek, tike-tike etmek, böleklemek. *Tenimi parçalan ol gara penjäň / Eýesi / Kimdigin bilebilmändim. Ortasynda gök pürçükli ýorunjaň*
*Ýüzin ýazlyp, gaýdyp galabilmändim* (K.Gurbannepesow). *Ýabany doňuzlar bişip ugran gawunlarymyzy parçalap çykypdyr.* **2**. Çapawullyk edip gyrmak, öldürmek.

**PARÇALAMAKLYK**, *iş ady.* Parçalamak ýagdaýy.

**PARÇALANMAK**, *işl.* **1**. Bölek-bölek edilmek, tike-tike edilmek, böleklenmek. **2**. Öldürilmek, gyrylmak.

**PARÇALAŞDYRMAK**, *işl.* Bir ýanyndan parçalap çykmak.

**PARÇALAŞMAK**, *işl.* **1**. Parça-parça, bölek-bölek, tike-tike edişmek, bölekleşmek.

**PARÇALATMAK**, *işl.* Parçalamaga mejbur etmek; parçalamaga ýol bermek, parçalamaga mümkinçilik döretmek.

**PARÇA-PARÇA**, *syp.* Bölek-bölek, tike-tike. *Ýapraklaryň parça-parça, Ygşyldaşar ak jöwenim* (M. Garryýew).

**PARH** [paryh], *at.* Iki zadyň arasyndaky tapawut, meňzeş dällik, hil, sypat, görnüş we ş.m. taýdan üýtgeşiklik, tapawutly alamat.

◊ **Parh etmezlik** tapawutlanmazlyk. *Bu ýolda parh etmez begler, soltanlar, Ýa gaýyplar – dogry ýola eltenler* (Magtymguly). **Parhyna dällik** azaryna dällik, piňine dällik, gaýgysy dällik. *Onuň hiç zat parhyna däldi.*

**PARHLANDYRMAK** [paryhlannyrmak], *işl.* Hil taýdan tapawutlandyrmak, parhyny, üýtgeşik alamatyny, meňzeş däl ýerini anyklamak, parh goýmak.

**PARHLANMAK** [paryhlanmak], *işl.* Hil taýdan tapawutlanmak, parh etmek.

**PARHLANMAZLYK** [paryhlanmazlyk], *iş ady.* Parh etmezlik, tapawut etmezlik.

**PARHLY** [paryhly], *syp.* **1**. Hil, baha, agram we ş.m. taýdan parhy bolan, tapawutly. **2**. Akyl, pähim, gylyk we ş.m. taýdan tapawutly, paýhasly, pähimli; artykmaç, geçirimli. *Özüň parhly bolup, günäsini geçäýmeli ekeniň-dä.*

**PARHLYLYK** [paryhlylyk], *at.***1**. Biri-birinden parhy, tapawudy barlyk (zat hakynda). **2**. Akyl, pähim, gylyk we ş.m. taýdan tapawutlylyk; geçirimlilik. *Güljahan onuň näme diýjek bolýandygyna dodagy gymyldanda düşünse hem parhlylyk edip dymdy* (N. Pomma).

**PARHSYZ** [paryhsyz], *syp.* **1**. Tapawutsyz. **2**. Perwaýsyz, biperwaý. *Melike töweregine parhsyz göz gezdirdi* (G. Kulyýew).

**PARHSYZLYK** [paryhsyzlyk]**,** *at.* **1**. Parhy ýokluk, tapawutsyzlyk. **2**. Perwaýsyzlyk, biperwaýlyk. *Ol sowuk-salalygy, parhsyzlygy halanok* ("Edebiýat we sungat").

**PARK I**, *at.* **1.** Dürli güller, agaçlar ekilen hem-de dynç alar, gezelenç eder ýaly seýil bagy.

**PARK II**, *s.ş.aňl.söz.* Bir zat parkyldanda çykýan ses.

**PARK-PARK,** *s.ş.aňl.söz.* Yzly-yzyna çykýan parkyldyly sesler. *Kimisi işikde eli paltaly park-park edip, odun aýyrýardy* (A. Durdyýew).

**PARKET** [parke:t], *at.* Ýörite ýasalan kiçijik berk tagta bölejiklerinden gurnalyp ýa-da ýelmenip nagyş görnüşli edilip düşelen pol.

**PARKYLDAMA** [parkyllama], *iş ady.* Parkyldamak ýagdaýy.

**PARKYLDAMAK** [parkyllamak], *işl.* **1**. Parkyldyly ses çykmak, parkyldyly seslenmek. **2**. Atylyp gitmek, ýarylmak.

**PARKYLDAMAKLYK** [parkyllamaklyk], *iş ady.* Parkyldamak ýagdaýy.

**PARKYLDAŞMAK** [parkyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna parkyldyly ses çykaryp ýarylmak. *Daňdanlar ter waharmanlar parkyldaşýardylar.*

**PARKYLDATMAK** [parkyllatmak], *işl.* **1**. Parkyldyly ses çykartmak, parkyldyly ses etdirmek. **2**. Atyp goýbermek, ýarmak. *Ol elindäki şarlaryny yzly-yzyna parkyldatdy.*

**PARKYLDAÝYŞ** [parkyllaýyş], *iş ady.* Parkyldamak ýagdaýy.

**PARKYLDY** [parkylly], *at.* Bir zadyň (köplenç, çüýşäniň, çyra çüýşesiniň, bulguryň) birbada ýarylmagyndan, döwülmeginden we ş.m. döreýän zarply sesiň ady.

**PARLAK**, *syp.* Ýalpyldap nuruny saçýan, ýagty yşyk berýän, parlap duran. *Parlak Gün. Parlak ýyldyz.*

**PARLAMAK**, *işl.* **1.** Ýalpyldap nur saçmak, ýagty yşyk bermek. *Onuň ak ýüzünde balkyldaýan gara gözleri parlap duran bagt ýyldyzy ýaly duýuldy* (B. Kerbabaýew). **2**. Öwşün atyp durmak. *Ebedilik ot şol gahrymanlaryň janly ýadygärligi bolup parlaýar* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Şemala, ýele galgamak, pasyrdamak, pasyrdyly seslenmek. **4**. Giň gerim almak, ýaýbaňlanmak, ösmek. *Ýurdumyz gün-günden parlap ösýär.*

**PARLAŞMAK**, *işl.* **1.** Ýalpyldaşyp, nur saçyşyp durmak, ýagty berşip durmak, öwşün atyşyp durmak. *Gyzyl güller, gülälekler parlaşyp, açylyşyp dur.* **2**. Şemalyň, ýeliň ugruna pasyrdaşmak, ses edişmek.

**PARLATMAK,** *işl.* **1**. Ýalpyldadyp nur saçdyrmak, ýagty yşyk berdirmek, öwşün atdyrmak. **2**. Şemalyň, ýeliň ugruna pasyrdyly seslendirmek.

**PAR-PAR**, *s.ş. aňl.söz.* Bir zat parryldan wagtynda çykýan ses. *Onuň par-par hor çekişi gowagyň içinde ýatanlaryň horruldysyna goşulyp gidýär* (S. Annasähedow).

**PARRAN** [parra:n], *hal.* Gös-göni, içinden böwsüp, deşip (geçme). *Maşynyň ýiti çyrasy tümlügi parran kesip geçýär.*

**PARRYKLATMAK**, *işl., ser.* **Parryldatmak**. *Ol tanapyny süýräp, burnuny parrykladyp, ondan-oňa dazyrdap ýördi* (B. Kerbabaýew).

**PARRYLDAMA** [parryllama], *iş ady.* Parryldamak ýagdaýy.

**PARRYLDAMAK** [parryllamak], *işl.* Parryldyly ses etmek, parryldyly ses çykmak. *Onsuz-da daşardan eşidilip duran horruldy has açygrak parryldady* (B. Kerbabaýew).

**PARRYLDAŞMAK** [parryllaşmak], *işl.* Köpçülik bolup, parryldyly ses çykaryşmak.

**PARRYLDATMAK** [parryllatmak], *işl.* Parryldyly ses çykarmak, parryldyly seslenmek.

**PARRYLDY** [parrylly], *at.* Burnuňdan batly dem alyp, dem çykarylanda, burun boşlugynda döreýän sesiň ady. *Atlaryň burunlarynyň parryldysy eşidildi.*

**PARS** [pa:rs], *at, ser.* **Parslar**.

**PARSAH**, *at, k.d.* 6,5-7,5 kilometre barabar uzynlyk ölçeg birligi. *Leýli ýoly maňa müň parsah erdi, Hak munça müşgilim asan eýledi* ("Leýli – Mejnun").

**PARSLAR** [pa:rslar], *at.* Eýranyň esasy ilaty.

**PARSY** [pa:rsy], *syp.* Parsça. *Baý-baý, onuň parlaýşyny, Parsy bilen sözläýşini* (Tapmaçanyň manysy: *dutar*)

**PARSYLAMAK** [pa:rsylamak], *işl., gepl.d.* **1**. Pars dilinde geplemek, parsça, parsy geplemek. *Perman gaýtadan:– Benişin!– diýip, parsylady* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Düşnüksiz dilde geplemek. *Ýeri, parsylan kişi bolup, diliňi aýnatma-da, gönülesene!* (B. Kerbabaýew).

**PARSYLATMAK** [pa:rsylatmak], *işl., gepl.d.* Başga birini parsça gürletmek, gepletmek.

**PARSYLDAMAK** [parsyllamak], *işl.* Parsyldap ýarylmak, parsyldyly seslenmek.

**PARSYLDAŞMAK** [parsyllaşmak], *işl.* Pars-pars edip, yzly-yzyna ýarylmak.

**PARSYLDATMAK** [parsyllatmak], *işl.* Parsyldyly ses çykarmak, parsyldyly ses etmek.

**PARSYLDY** [parsylly], *at.* Ýel berlen zat birden ýarylanda döreýän sesiň ady.

**PARTA**, *at.* Oturgyjy bilen birleşdirilen üsti ýapgyt mekdep stoly. *Synp otagynda ýigrimi parta goýlupdyr.*

◊ **Prezident partasy** iň ökde okuwçy oturdylýan öň hatardaky parta.

**PARTAW** [partow], *syp.* Ekilmedik, özleşdirilmedik, boz (ýer hakynda). *Partaw ýer.*

**PARTIÝA** [pa:rtyýa], *at.* **1**. Haýsy hem bolsa bir dünýä garaýşyň öňde baryjy işjeň bölegi bolup duryan, onuň bähbitlerini goraýan syýasy gurama. **2**. Hor, orkestr üçin ýazylan saz eserleriniň aýratyn bölümi. *Çeper höwesjeňlerden gelen Annagülem şonda Zöhräniň partiýasyny aýdypdy* ("Edebiýat we sungat").

**PARTLADYLMAK,** *işl.* Partladyjy jisim (däri, dinamit we ş.m.) bilen ýarylmak.

**PARTLAMA**, *iş ady.* Partlamak ýagdaýy.

**PARTLAMAK**, *işl.* **1**. Partyldyly ses çykaryp, güýçli ýarylmak, gaty atylmak. **2**. Darka ýarylmak, bölünmek (köplenç, gawun hakynda).

**PARTLAMAKLYK**,*iş ady.* Partlamak ýagdaýy.

**PARTLAŞMAK,** *işl.* Yzly-yzyna partlamak, ýarylmak, bölünmek (köp zat hakynda).

**PARTLATDYRMAK**, *işl., ser.* **Partlatmak**.

**PARTLATMAK**, *işl.* Bir zady gaty güýçli ýarmak.

**PARTLAWUK** [partlowuk], *at.* **1**. Güýçli ýarylýan, partlap ses çykarýan. **2**. *ser.* **Partlaýjy**.

**PARTLAÝJY,** *at.* Partlap ýarylýan, partlap atylýan, partlamak häsiýetine eýe bolan.

**PARTLAÝYŞ**, *iş ady.* Partlamak ýagdaýy.

**PARZ**, *at, dini.* **1**. Yslam dininde hökmany ýerine ýetirilmeli iş. *Kyýamat gün güwämiz - sünnet bilen parz dälmi?* (Magtymguly). **2**. Hökmany ýerine ýetirilmeli iş, hökmany düzgün. *Ýagşyny görmek parz* (Nakyl).

**PARZY-WAJYP** [parzy-wa:jy:p], *at.* Yslam dininiň düzgünlerine görä hökman ýerine ýetirilýän işler.*Ýagşylar yzynda ýörsem dowamat, Parzy-wajyp, terk etmesem hem sünnet* (Magtymguly).

**PASLY-BAHAR,** *at.* Bahar aýlary, ýaz wagty, bahar wagty.

**PASMANDA** [pasmanna], *syp., gepl.d.*Hiç işi başarmaýan, emelsiz. *Özüm pasmanda bolsam-da, göwnüm asmanda* (Aýtgy).

**PASPORT** [pa:sport], *at.* **1**. Eýesiniň şahsyýetini we raýatlygyny tassyklaýan resminama. **2**. Maşynyň, hojalyk abzallarynyň, gurallarynyň hasaba alyş resminamasy.

**PASYBAN** [pa:syva:n], *at, kön.s.*Garawul, sakçy. *Işigiňde gije-gündiz pasyban oldum ýene* (Şah Ysmaýyl).

**PASYK** [pa:syk], *syp.* Bozuk, ýaramaz (adam hakynda).

**PASYL**, *at.* **1**. Ýylyň ýaz, tomus, güýz we gyş möwsümleriniň birini öz içine alýan, üç aýdan ybarat bolan wagt, döwür. *Gyş pasly sähra merdanlary üçin has jogapkärli möwsüm* ("Türkmenistan"). **2**. Belli bir wagt aralygyny öz içine alýan wagt, salym, mütdet. *Baharda açylan reňbe-reň güller, Bir pasyl açylar, ýaza myhmandyr* (Magtymguly).

**PASYLLAÝYN**, *hal.* Her bir pasylda bolup geçýän, pasylma-pasyl bolup durýan, paslyň dowamynda ýerine ýetirilýän.*Pasyllaýyn iş.*

**PASYRDAMA**, *iş ady.* Pasyrdamak ýagdaýy.

**PASYRDAMAK**, *işl.* **1**. Ganat kakmak, ganat kakyp uçmak (guş hakynda). *Symrug bolsa pasyrdap, asmana galýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Ýeliň, şemalyň ugruna galgap, pasyrdyly ses emele gelmek, seslenmek (baýdak we ş.m. hakynda).

**PASYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Pasyrdamak ýagdaýy.

**PASYRDAŞMAK**, *işl.* Köpçülikleýin pasyrdamak, birnäçesi bilelikde pasyrdamak. *Guşlar pasyrdaşyp uçup gitdiler. Jaýlaryň depesindäki baýdaklar şemala pasyrdaşýardy.*

**PASYRDATDYRMAK**, *işl., ser.* **Pasyrdatmak**.

**PASYRDATMAK,** *işl.* Şemalyn ugruna galgatmak. *Bedenterbiýeçiler ellerindäki baýdaklaryny pasyrdadyp, deňimizden geçip gitdiler.*

**PASYRDY,** *s.ş. aňl.söz.* Baýdak, gelin-gyzlaryň uzyn keteni köýnegi, başyndaky öýmesi, gyňajy we ş.m. ýeliň ugruna galganda, guş ganatyny kakanda çykýan sesiň ady. *Asuda asmanda ýaşyl baýdagyň pasyrdysy uzakdan eşidilýär.*

**PASYR-PASYR,** *s.ş.aňl.söz.* Uly mata bölegi güýçli şemalyň ugruna galganda, guş ganatyny kakanda yzly-yzyna çykýan sesler. *Pasyr-pasyr etmek.*

**PAŞ** [pa:ş]: **paş etmek** köpe aýan etmek, äşgär etmek, mälim etmek.

**PAŞMAK I**, *at.* **1**.Sygyr, goýun we ş.m. mallaryň syňrakly gaty dabany. **2**. *gepl.d.* Köwüş. *Pökgen ýatan paşmagy aýagyna sokup, daşary çykdy* (A. Gowşudow).

**PAŞMAK II**, *işl., gepl.d.* Iş ugruna bolmak, başa barmak, amala aşmak. *Biz ony goldasak, onuň işi paşar* ("Edebiýat we sungat").

**PAŞMAZLYK**, *işl.* Işiň uguna bolmazlyk. *Etjek bolýan zadym paşmasa, oňa diňe men günäkärmi?*

**PAŞŞARMA**, *iş ady.* Paşşarmak ýagdaýy.

**PAŞŞARMAK**, *işl.* Paşşyk hala geçmek, ýasy görnüşe eýe bolmak, paşşyk, ýasy bolmak. *Ujy paşşarýan burnunyň iki gapdaly oýtak bolup, ýaňak süňkleri ýumralyşyp durdy* (B. Kerbabaýew).

**PAŞŞARMAKLYK**, *iş ady.* Paşşarmak ýagdaýy.

**PAŞŞARTMAK**, *işl.* Ýasy görnüşe salmak, paşşyk etmek.

**PAŞŞARYLMAK**, *işl.* Paşşyk hala geçilmek, ýasy görnüşe eýe bolmak.

**PAŞŞARYŞMAK**, *işl.* Azda-kände paşşyk görnüşe gelmek.

**PAŞŞYK**, *syp.* Depesinden, ýokarsyndan, üstünden basylan ýaly görnüşde bolan, ýasy görnüşli. *Orazgeldi paşşyk burnuny çekip, eli bilen sypalady.*

**PAŞŞYLDAMA** [paşşyllama], *iş ady.* Paşşyldamak ýagdaýy.

**PAŞŞYLDAMAK** [paşşyllamak], *işl.* Käbir maşynyň bug, ýel goýbermegi sebäpli paşşyldyly ses çykmak, paşşyldyly seslenmek.

**PAŞŞYLDAŞMAK** [paşşyllaşmak], *işl.* Paşşyldyly ses çykaryşmak, paşşyldyly seslenişmek.

**PAŞŞYLDATMAK** [paşşyllatmak], *işl.* Paşşyldyly ses çykarmak, paşşyldyly seslendirmek.

**PAŞŞYLDAÝYŞ** [paşşyllaýyş], *iş ady.* Paşşyldamak ýagdaýy.

**PAŞŞYLDY** [paşşylly], *at.* Käbir maşynyň bug, tigriň ýel goýbermegi sebäpli çykýan sesiň ady.

**PAŞYRDAMAK**, *işl.* Ter önüm iýlende paşyrdyly ses çykmak, paşyrdyly ses döremek (esasan, gök, ter önüm hakynda). *Paşyrdap duran hyýar.*

**PAŞYRDAŞMAK**, *işl.* Yzly-yzyna paşyrdyly ses çykmak.

**PAŞYRDATMAK**, *işl.* Paşyrdyly ses çykarmak. *Paşyrdadyp terne iýmek.*

**PAŞYRDAWUK** [paşyrdowuk], *syp.* Paşyrdap duran (esasan, gök, ter önüm hakynda).

**PAŞYRDY**, *at.* Ter gök önüm iýlende çykýan sesiň ady.

**PAT** [pa:t], *at.* Küşt oýnunda oýunçynyň öz şasyny howp astynda goýup göçmeli bolýan ýagdaýy.

**PAT**, *s.ş.aňl.söz.* Bir zat ýere gaçanda çykýan ses. *Pat etdi, tabak gaçdy* (Halk döredijiliginden).

**PATA** [pa:ta:], *at.* **1.** Ata-ene we halypa tarapyndan aýdylýan alkyş sözi, dileg (*ser.* **Ak pata bermek**). **2.** Ýogalan, aradan çykan adamyň patasy alynýan ýer. **3.** Gurhanyň birinji Al-hamd (fatiha) süresi.

◊ **Pata almak** belli bir hünäre, käre başlamaga, ýola düşmäge biriniň ýa-da köpçüligiň razylygyny, ygtyýaryny, ýagşy niýetini, alkyşyny almak, doga okap ýola salmak. **Pata bermek** *ser.* **Ak pata bermek**. **Patasyny almak** uruşda, uzak bir ýerde ölen adama merhuma edilýän sadakany etmek. **Ak pata bermek** *ser.* **Ak**. *Ol kişi Bilbile ak pata berdi* ("Gül – Bilbil").

**PATAÇY** [pa:ta:çy] *at.* Öleniň öýüne pata barýan adam.

**PATALLAK**, *at.* Burnuň aşagyndaky çukurjyk. *"Ady ýok" diýip, başdan sowma edýänlere burnuň aşagyndaky çukurjyga patallak, aşaky dodagyňdaka bolsa tibit diýilýändigini ýatladasymyz gelýär* ("Watan").

**PATANAKLAMA**, *iş ady.* Patanaklamak ýagdaýy.

**PATANAKLAMAK**, *işl.* **1**. Iki öň aýaklarynyň hersini bir ýere basyp gitmek, patyrdyklamak (düýe hakynda). **2**. *gepl.d.* Aýagaldygyna atan-satan bolup ylgamak, ýüwürmek.

**PATANAKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup patanaklamak. *Köşekler patanaklaşyp gitdiler.*

**PATARRAKY**, *at.* Biderek, ugursyz samyrdy, boş, ugursyz gürrüň. *Gylyç hem agzyna gelen patarrakysyny urýar* (A. Gowşudow). *Şaýadyň patarraka uranyny aňlan sülçi gürrüňi başga ýana sowdy* (B. Kerbabaýew).

**PATDA: patda kakmak** duýduryş, yşarat üçin duýdansyz patladyp urmak. *Ýoldan geçip barýanyň biri Begenjiň egnine patda kakdy* (B. Kerbabaýew).

**PATDYK-PUTDUK: patdyk-putduk etmek 1**) aýaklaryny çaýşyk basyp ýöremek, zordan ýöremek. *Bilmedim, enesin saldymy ýada, Patdyk-putduk edip, ýene şol bada, Gapyny nazarlap öňe süründi* (A. Kekilow). **2**) zordan, çala (okamak, geplemek hakynda). *Dili çolaşyp, patdyk-putduk geplänine özem düşünmedi* ("Edebiýat we sungat").

**PATDYLDAMAK** [patdyllamak], *işl.* **1.** Bir zat ýokardan gaçanda patdyldyly ses çykmak. **2**. Ýaňy aýak biten çaga ýaly aýagyňy pat-pat edip ýere urup, zordan ýöremek. *Patdyldap barmak.*

**PATDYLDAŞMAK** [patdyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup patdyldap ýöremek.

**PATDYLDATMAK** [patdyllatmak], *işl.* Aýagyňy, açyk eliň iç ýüzüni we ş.m. ýere urup, patdyldyly ses çykarmak.

**PATDYLDY** [patdylly], *at.* Ýörelende, bir zat ýokardan ýere urlanda we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady.

**PATLAK**,*at.* Baldagy ýaprakly, çal reňkli ösümlik.

**PATLAMAK** [patylamak], *işl.* Agyr ýa-da gaty zat zarp bilen başga bir zada urlanda, ýere gaçanda ş.m. ýagdaýda patdyldyly ses çykmak, patdyldyly seslenmek. *Kem-kemden bir tarapa agyp ugran göwre ahyry patlap düşdi* (N. Jumaýew).

**PATLAŞMAK** [patylaşmak],*işl.* Ýere gaçýan birtopar zatdan patdyldyly ses çykmak. *Agaçdaky almalar patlaşyp gaçdy.*

**PATLATMAK** [patylatmak], *işl.* **1**. Agyr ýa-da gaty zady zarp bilen urup, gaçyryp, patdyldyly ses çykarmak, patdyldyly ses etdirmek. *Kepje bilen bir gaýra böwediň öňüne patlatdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl d.* Urmak. *Onuň arkasyna eli bilen patladyp goýberdi.*

**PATRAK** [patyrak], *at.* Gowrulanda patraşyp, gowy açylan mekgejöwen dänesi. *Etmekçidim patrak, Boldy bary çetrek* (Halk döredijiliginden). *Men saňa häzirjik patrak edip bereýin* (G. Seýitmädow).

**PATRAMAK** [patyramak], *işl.* Patrak ýaly açylmak, ýagty şöhle saçmak, ýalpyldamak. *Gozalar patrap açylypdyr.*

**PATRAŞMAK** [patyraşmak], *işl.* Patrak ýaly agaryşmak. *Ynha, derýa hiç darykman akyp dur, Ýyldyzlar patraşyp, maňa bakyp dur* (N. Pomma).

**PATY-PUTY**, *at.* Ownuk-uşak öý goşy, goş-golam, odur-budur. *Düýämiziň üstüne paty-putymyzy atdym* ("Edebiýat we sungat").

**PATYRDAMA**, *iş ady.* Patyrdamak ýagdaýy.

**PATYRDAMAK**, *işl.* Dowamly, patyrdyly ses çykmak, patyrdyly seslenmek.

**PATYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Patyrdyly ses çykarmazlyk.

**PATYRDAŞMAK**, *işl.* Yzly-yzyna patyrdyly ses çykmak, patyr-patyr edip durmak.

**PATYRDATMAK**, *işl.* Patyrdyly ses çykartmak, patyrdyly seslendirmek.

**PATYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Patyrdamak ýagdaýy.

**PATYRDY**, *at.*At çapylanda, yzly-yzyna ýarag atylanda we ş.m. döreýän dowamly sesiň ady. *Itler düýeleriň patyrdysyna hasanaklaşyp turýarlar.*

**PATYRDYK**, *at, ser.* **Patyrdy**. *Şol düýäniň patyrdysyna ürken beýleki düýeler hem patyrdyk urdy* (B. Kerbabaýew).

**PATYRDYKLAMAK**,*işl.* Aýagaldygyna atan-satan bolup gaty gitmek, ylgamak, ýüwürmek. *Patyrdyklap, oýun edip, Gezýär torum-köşekler* (B. Kerbabaýew).

**PATYRDYKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe düýe bilelikde patyrdyklamak. *Meýdanda mes düýeler eýläk-beýläk patyrdyklaşýardylar.*

**PATYR-PATYR**, *s.ş. aňl.söz.* Yzly-yzyna patyrdap çykýan ses.

**PATYŞA** [pa:tyşa:], *at.* Käbir ýurtlarda döwleti ýeke-täk özi dolandyrýan adam, şa.

**PATYŞALYK** [pa:tyşa:lyk], *at.* **1**. Patyşa wezipesinde bolmaklyk, şalyk. **2**. Patyşa tarapyndan dolandyrylýan döwlet. *Oňa sen çopan goşy diýmersiň, uly bir patyşalygyň saldyran köşgi diýersiň!* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Patyşalyk emläk** patyşa degişli emläk.

**PATYŞAÝY** [pa:tyşa:ýy], *at.* Sary, gyzyl, ýaşyl gatyşykly ykyrdap duran ýüpek mata, şahy.

**PAUZA** [pa:wuza], *at, dil b.* Sözleýiş intonasiýasyny emele getirýän serişdeleriň biri, üznüksiz sözleýşiň wagtlaýyn kesilýän ýeri, sözleýiş pursatyndaky iki sintagmanyň ýa iki frazanyň arasynyň bölünen, sesiň yrgyldysy bolmaýan boşluk ýeri, gürrüňiň arasyna dyngy berilýän ýeri. Mysal üçin: *Ol – dag. Jeren – mugallym.* **2.** *sazç.* Çalynýan sazyň arasynda edilýän dyngyny we nota ýazgysynda pauzany bildirýän belginiň ady. **3.** Sahna eserlerinde arakesmäniň ady.

**PAÝ** [pa:ý], *at.* **1.** Bir zat paýlaşylanda her kime ýetýän hak, zat. **2.** Umumy işde her bir gatnaşyjynyň ýerine ýetirmeli işi. **3.** Toý-tomaşada berilýän, paýlanýan zat. *Toý paýyny bolsa gelin gelensoň elterin* ("Edebiýat we sungat")

**PAÝ**, *üml, ser.* **Päheý**. *– Paý, gorkak, towşan ýürek! – diýip, maňa gülýär hem öz hyrlysyny doldurýar* (A. Gowşudow).

**PAÝA** [pa:ýa], *at.* **1.** Söýget üçin miweli agaçlara we ş.m. urulýan haçjaly agaç, direg. **2.** *kön.s.* Birzadyň etegi, aşak tarapy. *Gaplaň gürlär gaýasynda, Jeren gezer paýasynda* (Mollanepes). **3.** Çüýşeli çyranyň aşagynda goýulýan çyra götergiç.

**PAÝAÇY** [pa:ýaçy], *at.* Nowanyň, dommalyň kenara gelen wagty ýörite taýýarlanylan gazygyny (paýasyny) ýere dikip, bendili daňýan adam.

**PAÝAKEŞ** [pa:ýakeş], *at.* Hyzmatkär, gul. *Paýakeş çilim getirdi* ("Görogly").

**PAÝALAMAK** [pa:ýalamak], *işl.* Paýa söýemek, paýa urmak, paýa diremek, direg urmak. *Miweli agaçlary paýalamak.*

**PAÝALANMAK** [pa:ýalanmak], *işl.* Paýa direlmek, paýa urulmak, paýa bilen söýget edilmek, direg urulmak. *Her paslyň her işi bar: ýazda üzüm paýalanýar* (N. Baýramow).

**PAÝALAŞMAK** [pa:ýalaşmak], *işl.* Paýa urmaga kömekleşmek, paýalamaga kömek etmek. *Daýhana üzüm paýalaşmak.*

**PAÝALATMAK** [pa:ýalatmak], *işl.* Paýalamak işini başga birine etdirmek. *Üzümleri paýalatmak.*

**PAÝALYK** [pa:ýalyk], *syp.* Paýa etmek üçin niýetlenen. *Ol agaçlar ýapragy gurçuga berlen tut çybyklaryndan paýalyk üçin saýlanyp alnan pytanakly taýajyklardy* (A. Gowşudow).

**PAÝAN** [pa:ýa:n], *at.* Soň, ahyr, yz. *Agalar, dünýäniň paýany bolmaz* (Magtymguly).

**PAÝAPYL**,*at.* Ýabyň üstünden pyýada geçmek üçin keseligine goýulýan agaç, galyň tagta.

**PAÝAW** [paýow], *at.* Suwuň öňi beklenenden soňky syrygyp akýan suw.

◊ **Paýaw bolmak** paýawlap barmak, tamamlanyp barmak, gutaraňkyrlamak.

**PAÝAWLAMAK** [paýowlomok], *işl.* Ahyryna ýetip barmak, gutaraňkyrlamak. *Men indi ýüz ýigrimi ýaşymy paýawladym* ("Görogly"). *Akmyrat aga, otumyz paýawlap barýar* (A. Gowşudow).

**PAÝAWLANMAK**, *işl.* Gutarmak, soňlamak, tamamlanmak. *Yssy tomusy paýawlanyp, hoştap howaly güýz gelipdi* (G. Gurbansähedow).

**PAÝÇY** [pa:ýçy], *at.* Bileleşigiň agzasy bolup, paý tölegini tölän, paý eýesi.

**PAÝDAR** [pa:ýdar], *at.* **1.** Paýnamalaryň eýesi, paýnamalaryň esasynda işleýän kärhana gatnaşyjy, onuň şärikli eýesi. **2.** Paýnamalara degişli bolan, paýnamalara esaslanýan.

◊ **Paýdarlar jemgyýeti** paýdarlar jemgyýetine gatnaşyjylaryň paýdarlar jemgyýeti babatdaky borçnamalaýyn hukuklaryny tassyklaýan, paýnamalaryň belli bir sanyna bölünen, fiziki ýa-da ýurudik şahslaryň goýumlarynyň esaslyk maýasyna birleşen kärhana.

**PAÝDAŞ** [pa:ýdaş], *at.* Paýlanylýan zadyň bir böleginiň eýesi, şärik.

**PAÝEKI** [pa:ýeki], *at, kön.s., taryh.* Hyzmatkär. *Çaýpuruşlar çaý äkeldi, – aşbazlar nahar äkeldi, paýekisi çilim äkeldi* ("Görogly").

**PAÝENDAZ** [pa:ýenna:z], **1.** *at, kön.s.*Aýak aşagyna düşelýän düşek. *Atyň aýagynyň teýine mahmaldan paýendaz düşäýinmi?* ("Görogly"). **2.** *göç.m.* Gurban, sadaga.

**PAÝENDE** [pa:ýenne], *hal, k.d.* **1.** Müdimi, hemişelik, baky. *Bilbil paýende arzuwlar, Täze gunça, gül-de seni* (Magtymguly). **2.** Berkarar. *Hak size ýaman getirmesin! Döwletiňiz paýende olsun, hanym, heý!* ("Gorkut ata").

**PAÝENDEKI** [paýenneki], *at.* Gyşa saklanýan gawunyň bir görnüşi.– *Azyp dagy paýendeki bor öýdýärmiň* (A. Salyh).

**PAÝHAS**, *at.* Dury akyl, sagdyn düşünje, pähim, parasat. *Adamzat öz paýhasyna, eliniň işine guwanyp biler* ("Edebiýat we sungat").

**PAÝHASLANMAK**, *işl.* Aňly-düşünjeli bolmak, pähimlenmek, akyl ýetirmek. *Tagan heniz hem özüne bu işi etdireniň nämeligini paýhaslanyp bilmeýärdi* (B. Soltannyýazow).

**PAÝHASLY**, *syp.* Aňly-düşünjeli hereket edýän, pähimli, paýhas edýän.

**PAÝHASLYLYK**, *at.* Paýhasy barlyk, akyllylyk. *Onuň syraty, onuň akyly-huşy, paýhaslylygy terezide ölçärden agyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**PAÝHASSYZLYK,** *at.* Paýhasly dällik, paýhasy ýokluk.

**PAÝHYN: paýhyn etmek** *ser.* **Paýhynlamak 1,2**. *Mallar ýorunjany paýhyn edipdir.*

**PAÝHYNLAMA**, *iş ady.* Paýhynlamak ýagdaýy.

**PAÝHYNLAMAK**, *işl.* **1.** Weýran etmek, haraplamak, zaýalamak. *Ýüpden boşan mallar gök ekini paýhynlapdyr.* **2.** *göç.m.* Gyrgyna bermek, gyryp gutarmak, gyrmak; öldürmek, ýok etmek.

**PAÝHYNLAMAKLYK**,*iş ady.* Paýhynlamak ýagdaýy.

**PAÝHYNLANMAK**, *işl.* **1.** Harap edilmek, weýran edilmek, zaýalanmak. **2.** *göç.m.* Köpçülikleýin gyrylmak, gyrylyp gutarmak.

**PAÝHYNLATMAK**, *işl.* **1.** Paýhynlamagyna ýol bermek, harap etdirmek, weýran etdirmek, zaýalatmak. *Malyň ugruna seretmän, ekinleri beýle paýhynladaýmak bolarmy?* **2.** *göç.m.* Paýhynlamaga

mejbur etmek, köpçülikleýin gyrdyrmak, gyrdyryp gutartmak, paýhyn etdirmek. *Obalary paýhynlatmak.*

**PAÝHYNLAÝYŞ**, *iş ady.* Paýhynlamak ýagdaýy.

**PAÝLAMA** [pa:ýlama], *iş ady.* Paýlamak ýagdaýy.

**PAÝLAMAK** [pa:ýlamak], *işl.* **1**. Her kime ýetdik paýyny bölüp bermek. *Paýdarlara düşewüntden ýetýän puly paýlamak.* **2**. Köpçülige dargatmak, ile ýaýratmak, ýetirmek. *Toý çakylygyny paýlamak. Toýy gutlamaga gelenlere elýaglyk paýlamak.*

**PAÝLAMAKLYK** [pa:ýlamaklyk], *iş ady.* Paýlamak ýagdaýy.

**PAÝLANMAK** [pa:ýlanmak], *işl.* **1**. Her kime ýetdik paýy bölünip berilmek. **2**. Köpçülige ýaýradylmak, adamlara berilmek.

**PAÝLANYŞYK** [pa:ýlanşyk], *ser.* **Paýlaşyk**.

**PAÝLAŞDYRMAK** [pa:ýlaşdyrmak], *işl.* Birnäçe zady bir ýan ujundan adamlara paýlap çykmak; birnäçe ýere bölüşdirmek.

**PAÝLAŞMAK** [pa:ýlaşmak], *işl.* Öz aralarynda paýlamak. *Soňra sakyrtga, göle we geçi harmany paýlaşypdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Biriniň hasratyny, kynçylyklaryny deň çekişmek. *Şatlygy, gaýgyny bile paýlaşdyk* (A. Kowusow).

**PAÝLAŞYK** [pa:ýlaşyk], *at.* Paýlaşmaklyk, üleşik, paýlanyşyk. *Şeýlelikde, oňa düşmedi diýende paýlaşykdan hem elli-altmyş manat pul düşýär* (N. Pomma).

**PAÝLATMAK** [pa:ýlatmak], *işl.* Paýlamak işini başga birine etdirmek, paýlamaga mejbur etdirmek, paýlamaga mümkinçilik bermek. *Pul paýlatmak. Ýer paýlatmak. Çakylyk paýlatmak.*

**PAÝLAÝJY** [pa:ýlaýjy], *at.* Paýlanýan zady bölüji, üleşdiriji.

**PAÝLAÝYŞ** [pa:ýlaýyş], *iş ady.* Paýlamak ýagdaýy.

**PAÝNAMA** [pa:ýna:ma], *at.* Kärhananyň tertipnama (esasnama) gaznasyna belli bir mukdarda goýlan goýuma güwä geçýän we onuň eýesine şol kärhananyň işlerine we girdejilerine gatnaşmaga hukuk berýän gymmatbaha kagyz.

**PAÝPYLDAMA** [paýpyllama], *iş ady.* Paýpyldamak ýagdaýy.

**PAÝPYLDAMAK** [paýpyllamak], *işl.* Yranyp, agras ädimläp ýöremek, paýpyl-paýpyl edip ýöremek.

**PAÝPYLDAMAKLYK** [paýpyllamaklyk], *iş ady.* Paýpyldamak ýagdaýy.

**PAÝPYLDAŞMAK** [paýpyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup paýpyllap ýöremek.

**PAÝPYLDAÝYŞ** [paýpyllaýyş], *iş ady.*Paýpyldamak ýagdaýy.

**PAÝPYL-PAÝPYL: paýpyl-paýpyl etmek** *ser.* **Paýpyldamak**. *Ýeri, garga dost, halklar saňa: "Paýpyl-paýpyl ýörişli, ýany gara gylyçly" – diýip, matal düzüpdirler diýdi* ("Türkmen halk ertekileri").

**PAÝ-PYÝADA** [pa:ý-pyýa:da], *at, ser.* **Pyýada 1**. *Paý-pyýada gezdi uly diýary, Baryp ýatan hakykatçy ýigitdi* (M. Seýidow).

**PAÝRAMA**,*iş ady.* Paýramak ýagdaýy.

**PAÝRAMAK**,*işl.* Her biri bir ýana seçelenip ýaýramak, dargap gitmek, pytramak.*Çabga ýaly eňýän açmaňyz gyzyl bugdaýlar aýaklarynyň töwereklerine paýrap düşdi* (B. Kerbabaýew).

**PAÝRAMAKLYK**,*iş ady.* Paýramak ýagdaýy.

**PAÝRAŞMAK**, *işl.* Seçelenişip ýaýramak, dargaşmak, pytraşmak. *Bagy üzülen hünjüler paýraşyp ýatyrdy.*

**PAÝRATMAK**, *işl.* **1**. Paýrap gider ýaly etmek, pytratmak, dargatmak. **2**. Yzyny üzmän atmak, üznüksiz atmak. *Paýradyp atmak.*

**PAÝRAÝYŞ**, *iş ady.* Paýramak ýagdaýy.

**PAÝTAGT** [pa:ýtağyt], *at.* Bir döwletiň baş şäheri, ýurduň merkezi.

**PAÝTAGTLY** [pa:ýtağytly], *syp.* Paýtagtda, merkezde ýaşaýan.

**PAÝTUN** [paýtu:n], *at.* Üsti açylyp ýapylýan, saýawanly, at goşulyp münülýän ýeňil araba. *Paýtuna goşulan atlaryň jyňňyrdysy eşidilýärdi* (B. Kerbabaýew).

**PAÝTUNÇY** [paýtu:nçy], *at.* Paýtun sürýän adam, paýtun sürüji. *Meret paýtunça rugsat berip, ýabysyna gamçy basdy* (A. Durdyýew).

**PAÝYRDAMA,** *iş ady.* Paýyrdamak ýagdaýy.

**PAÝYRDAMAK**, *işl.* **1**. Sesli sepelenip dökülmek, gaçmak. **2**. Birden ýyrtylmak, tikini sökülip, sesli ýyrtylmak.

**PAÝYRDAMAKLYK**,*iş ady.* Paýyrdamak ýagdaýy.

**PAÝYRDAŞMAK**, *işl.* **1**. Paýyrdap dökülmek (köp sanly ownuk zat hakynda). **2**. Paýyrdyly seslenişmek.

**PAÝYRDATMAK**, *işl.* **1**. Sesli sepelendirip dökmek, gaçyrmak. **2**. Birden ýyrtmak, sesli ýyrtyp goýbermek. **3**. Paýyrdyly ses çykaryp atmak.

**PAÝYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Paýyrdamak ýagdaýy.

**PAÝYRDY**,*at.* Alma, erik ýaly miweler kakylanda, at çapylanda we ş.m. paýyrdap çykýan sesiň ady.

◊ **Paýyrda bermek 1)** köpçülik bolup at çapmak. **2)** dyr-pytrak bolup gaçmak.

**PAÝYR-PAÝYR**, *s.ş.aňl.söz, ser.* **Paýyrdy**.

**PAÝYŞ** [pa:ýyş], *at.* Birine gahar bilen aýdylýan medeniýetsiz hapa, gödek, ýaramaz söz. *Paýyş söz.*

**PAZA** [pa:za], *at.* Azalyň ujundaky ýere girýän ýiti ýasy demri. *Paza biriniň aýagyna düşdi* (H. Derýaýew).

**PAZLAMA** [pazylama], *iş ady.* Pazlamak ýagdaýy.

**PAZLAMAK** [pazylamak], *işl.* Birbada paz edip ýanmak, birden tutaşmak, ot almak.

**PAZLAŞMAK** [pazylaşmak], *işl.* Paz-paz edip seslenişmek. *Ojaklarda ýakylan gazlar pazlaşyp ýanýardylar.*

**PAZLATMAK** [pazylatmak], *işl.* Pazlar ýaly edip işletmek, herekete getirmek. *Derrew ussa aganyň garşysyna geçdim, körügi pazladyp başladym* (R. Gelenow).

**PAZYL** [pa:zyl], *at.* Gawun, garpyz, kädi, hyýar ýaly bakja ekinleriniň gol atyp ýaýran ýaprakly

baldagy, biýara. *Öýleriň töweregindäki gawun-garpyzyň pazyllary solupdy* (H. Garabaýew).

**PAZZA: pazza ýanmak** derrew ot almak, çalt ýanmak.

**PAZZYLDAMA** [pazzyllama], *iş ady.* Pazzyldamak ýagdaýy.

**PAZZYLDAMAK** [pazzyllamak], *işl.* Dowamly pazzyldyly ses çykmak, pazzyldyly seslenmek.

**PAZZYLDAŞMAK** [pazzyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna pazzyldyly ses çykmak.

**PAZZYLDATMAK** [pazzyllatmak], *işl.* Pazzyldyly ses çykarmak, pazzyldyly ses etdirmek.

**PAZZYLDAÝYŞ** [pazzyllaýyş], *iş ady.* Pazzyldamak ýagdaýy.

**PAZZYLDY** [pazzylly], *at.* Gaz, ownuk odun, otluçöp we ş.m. ýananda ýa-da oduň üstüne suw dökülende we ş.m. çykýan sesiň ady.

**PE** [pe:], Türkmen elipbiýiniň "**P**" harpynyň ady.

**PEÇ**, *at.* Jaýy gyzdyrmak, nahar bişirmek we ş.m. üçin kerpiçden örülen ýa-da demirden ýasalan enjam.

**PEÇAN** [peça:n]: **peçan bolmak** masgara bolmak, ile gülki bolmak. *Seniň derdiňden ile peçan bolduk-la!* **Peçan etmek** masgara etmek, il gülküsi etmek .

**PEÇEK**, *at.* Çyrmaşyklar maşgalasyna degişli, inçeden uzyn baldakly, ýere we başga ösümliklere çyrmaşyp ösýän köpýyllyk ot.

**PEÇIZ** [peçi:z], *at.* **1**. Ýedi sany ýylanbaş atylyp oýnalýan milli oýun. **2**. Peçiz oýnunda aty ýigrimi bäş öý göçmäge mümkinçilik (bäş ýylanbaş dükge, iki ýylanbaş jikge düşse, peçiz bolýar).

**PEDER,** *at, k.d.* Ata, kaka. *Pederim Azady ötdi, galmady käbäm enem* (Magtymguly).

**PEDERNÄLET** [pedernä:let], *syp.* "Ataňa, kakaňa nälet" diýen manyda aýdylýan sögünç söz.

**PEKGE,***syp.* Aýdylan sözi ýatda saklap bilmeýän; gepe-söze düşünmez, kelesaň.

**PEKGELIK,** *at.* Aýdylan sözi ýatda saklap bilmezlik; gepe-söze düşünmezlik, kellesaňlyk.

**PEKGI**, *syp, ser.* **Pekge**. *Pekgi adam.*

**PEL**, *at.* **1**. Ekin ekmek üçin töweregi çillenen dört burç görnüşli ýer, atyz. *Güýzde däne ekilmedik ýer juda bir köpem däldi. Esasan, täze açylan ak ýerlerdi, kiçeňräk hemem suw çykmasy kynrak par pellerdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). **2**. Suw saklamak üçin peliň dört töweregine galdyrylan gum, raýyş, çil.

**PELEK,** *at.* **1**. *k.d.* Gök, asman. *Pil burnun pelege tutar* (Magtymguly) **2**. Ykbal, täleý. *Almany göge zyň, ýere düşýänçä ýa pelek* (Nakyl).

◊ **Pelek tutmak (urmak)** işiň gaýtmak, şowsuzlyga, betbagtçylyga uçramak. *Indi saňa ne pelek urdy* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew).

**PELEŇ**, *at.* Pişikler maşgalasyndan bolan güýçli, ýyrtyjy haýwan, bars.

**PELESAŇ: pelesaň urmak (kakmak)** iki baka hars urmak, iki ýana urunmak, alakjamak.

**PELESAŇLAMAK**, *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň ugrunda hars urmak, alakjamak, pelesaň urmak.

**PELÄKET** [pelä:ket], *at.* Şum, ýaramaz, bezzat, pelit. *Heý peläket, urjakmy, ýok* (S. Myradow).

**PELIT** [peli:t], *syp.* **1**. Hapa, nejis; pis. *Ol pelitler kylmagaý erdi uruşnyň adyny* (Magtymguly). **2**. Sögünç sözi.

**PELLE I**, *at, ser.* **1**. *k.d.* Basgançak; dereje, iň ýokary dereje. *Luw ýylynda düşdi magraç gullasyna, Byrag münüp çykdy arş pellesine* (Magtymguly). **2**. **Pellehana**.*Her kim pellä golaýlaşýan atlaryň tomaşasyndan galyp barýan ýaly, ileri süýşýärdiler* (G. Kulyýew). **3**. *ser*. **Pille**. *Arada dyngy berlen wagty Guwanç oňa: – Häzir hem bir pelle! – diýdi* (A. Gowşudow).

**PELLE II**, *at.* Deň iki kesilen garpyzyň, gawunyň bir bölegi. *Içi gyrlyp taşlanan pelleler baýryň bir bölegi ýaly küde bolup ýatyr*(B. Kerbabaýew).

**PELLEHANA** [pelleha:na], *at.* Dürli görnüşli sport ýaryşlarynda (ylgamakda, at çapdyrylanda, maşyn, motosikl, tigir ýaryşlarynda we şm.) iň soňky barylmaly ýer, pelle; toýhana. *Atlar pellehana golaýlaşypdyrlar* (Ý. Mämmediýew).

**PELLIK**, *at.* Gawun, garpyz we ş.m. gök önümleriň pazylyndan, biýarasyndan ýolnup aýrylýan ýerindäki düýbi, sapagy.

**PELPELLEME**, *iş ady.* Pelpellemek ýagdaýy.

**PELPELLEMEK**, *işl.* **1.** Howada dowamly ganat germek, ganat kakyp durmak. *Laçynlar pelpelläp galar asmana* (Magtymguly). **2**. Galgamak, ýelkildemek. **3**. *gepl.d.*Ynjalyksyz, aladaly ýagdaýda biriniň ýa-da bir zadyň daşynda pyrlanmak, oda-köze düşmek, kebelek bolup aýlanmak. *Ene uzyn ömrüne çagalarynyň daşynda pelpelläp, ahyry olary adam edip ýetişdirdi.*

**PELPELLEŞMEK,** *işl.* **1**. Birnäçe guş howada pelpellemek. *Torgaýlar pelpelleşýärler.* **2**. *gepl.d.*Birnäçe bolup daşynda pyr-pyr aýlanmak, perwaz urmak.

**PELPELLETMEK**, *işl.* Pelpellemek derejesine ýetirmek; pelpellemäge mümkinçilik döretmek, ýol bermek, pelpellär ýaly etmek.

**PELPELLEÝIŞ**, *iş ady.* Pelpellemek ýagdaýy.

**PELSEPE**, *at.* Tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşiniň esasy kanunlary hakyndaky ylym, filosofiýa.

◊ **Pelsepe otarmak** akyl satyp, esassyz pikir ýöretmek.

**PELSEPEWI** [pelsepewü], *ser.* **Pelsepeçilik.**

**PELSEPEÇILIK**[pelsepeçilik], *syp.* Pelsepe ylmyna degişli, pelsepä has, mahsus.

**PELTE** , *at.* **1**.Çyra, şem we ş.m. yşyklandyryjy enjamlarda ýüplükden işilip, örülip ýa-da dokalyp ýasalan ýüp. *Ömrüň şugla ursa, ýürek ýagyňdyr, Ýag tükener, peltäň söner, öçer sen* (Magtymguly). **2**. Çakmaksyz tüpeňlerde därä ot düşürmek üçin ulanylýan pagta bölegi. *Gow bilen ot aldy we ony pagtadan edilen peltä düşürdi* (A. Gowşudow).

◊ **Peltesine ot bermek (ýag damdyrmak)** derdini gozgamak, meçew bermek, öjükdirmek. *Köşeşdirmegiň ýerine, sen onuň peltesine ýag damdyrýarsyň* (B. Pürliýew).

**PELTEK**, *syp.* Käbir sesi dogry aýdyp bilmeýän. *Ogrudan baý bolmaz, peltekden – bagşy* (Baýly şahyr).

**PELTEKLEME**, *iş ady.* Pelteklemek ýagdaýy.

**PELTEKLEMEK**, *işl.* Käbir sesleri nädogry aýdyp geplemek, bolşundan üýtgedip aýtmak. *Çary hem zol-zol Aşyryň sözlerini gaýtalap, peltekledi durdy* ("Edebiýat we sungat").

**PELTEKLEMEKLIK**, *iş ady.* Pelteklemek ýagdaýy.

**PELTEKLEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup pelteklemek.

**PELTEKLETMEK**, *işl.* Güýçli ruhy ýa-da başga täsir netijesinde diliňi pelteklemek derejesine ýetirmek. *Ol dilini peltekledip, sakynyp gepledi* (G. Kulyýew).

**PELTEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Pelteklemek ýagdaýy.

**PELTEKLIK**, *at.* Peltek bolmaklyk, käbir sesleri dogry aýdyp bilmezlik, pelteginiň ýagdaýy.

**PELTELI**, *syp.* **1.**Pelte arkaly ýanýan, peltesi bar bolan. *Sona çaý-nahar taýynlamak bilen boldy, pelteli çyrany otlady* (G. Ezizow). **2.** Peltäniň kömegi bilen atylýan, göçýän (tüpeň hakynda). *Pelteli tüpeň.*

**PENA** [pena:], *at.* **1.** Bir zatdan goranar ýaly ýer, buky. **2.** *göç.m.* Hossar, arka, daýanç, arkadag. *Dogan dogana penadyr* ("Görogly"). *Iki söýgülä ýagşylyk edip, pena beren ol goňşy indi ýokdy* (A. Gowşudow). **3.** Bir zadyň öňüne tutulýan gorag, taşa, padar. *Ol (sazak) howa bulaşanda, mallar üçin pena bolýar, çopanlara ýakmaga ýaraýar* ("Edebiýat we sungat"). **4.** Oglana dakylýan at.

**PENAKÄR** [pena:kä:r], *at.* Pena bolýan, goldaw edýän, gorag edýän. *Olar aýdym mirasynda, Wasp edermiş penakäri* (M. Seýidow).

**PENAKÄRLIK** [pena:kä:rlik], *at.* Penakär bolmaklyk, arka, arkadaýanç, hossar bolmaklyk.

**PENALAMA** [pena:lama], *iş ady.* Penalamak ýagdaýy.

**PENALAMAK** [pena:lamak], *işl.* **1.** Gorag ýa-da görünmezlik üçin bir zadyň arkasyna dolanmak, pena edinmek. *Keýik owlajygy enesini penalap durdy.* **2.** *göç.m.* Arka tutmak, hossar edinmek, arka tutunmak. *Annadurdy murt rejäniň geň däldigini bilip, derrew bizi penalady* (N. Pomma).

**PENALAMAKLYK** [pena:lamaklyk], *iş ady.* Penalamak ýagdaýy.

**PENALANMAK** [pena:lanmak], *işl.* **1.** Goranyp saklanmak, görünmezlik üçin bir zady pena edinmek, bir zada bukulmak. *Penjirämiziň öňünde ösüp oturan goja tuda penalandy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *göç.m.* Birini özüne pena edinmek, arka edinmek.

**PENALATDYRMAK** [pena:latdyrmak], *işl., ser.* **Penalatmak**.

**PENALATMAK** [pena:latmak], *işl.* Goranyp saklanmak, görünmezlik üçin bir zady pena etdirmek.

**PENALAÝYŞ** [pena:laýyş], *iş ady.* Penalamak ýagdaýy.

**PENALY** [pena: ly], *syp.* Arka daýançly, goldawly.

**PENALYK** [pena:lyk], *at.* Hossarlyk, arkadaýançlyk. – *Şahyr, bilýärmisiňiz, siziň penalyk eden adamyňyz kim? – diýip, kiçijik gözlerini güldürip sorady* (G. Kulyýew).

**PENALYLYK** [pena:lylyk], *at.* Penaly bolmaklyk, penasyz dällik.

**PENASYZ** [pena:syz], *syp.* Penasy ýok, penaly däl.

**PENASYZLYK** [pena:syzlyk], *at.* Penasy ýokluk, penaly dällik, penasyz bolmaklyk.

**PENDIGÖL** [penniğö:l], *at.* Pendi halysyna salynýan ullakan göl.

**PENJE**, *at.* **1.**Barmaklary bilen birlikde tutus eliň iç ýüzi. **2.** Käbir haýwanlaryň,guşuň dyrnakly aýaklary. **3.** Penjelenip alnan mukdardaky zat, şol zadyň ölçegi. *Her penjesi bir gadak, Tiz ganaryň doldurýar* (A. Kekilow).

◊ **Bir penje (gysym) bolmak** horlanmak. **Penjesine düşmek** biriniň girisine düşmek, özüňi tutdurmak, tutulmak. *Düşdi duşman penjesine, Ýaş Jemile bilen çaga* (Ç. Aşyrow).

**PENJEGOÇAK** [penjeğoçok], *at.* Çyrpa, kürtä, halynyň gyrasyna salynýan tegelek ýaýraň goçak.

**PENJEK**, *at.* Serpme ýakaly we öňüniň iki syýyna çenli açyk ýeri iliklenýän kurtka – kostýum-balagyň ýokarky bölegi bolan eşik. *Nury iki elini penjeginiň jübüsine sokup, açyk aýnadan howlynyň içine seretdi* (B. Seýtäkow).

**PENJELEME**, *iş ady.* Penjelemek ýagdaýy.

**PENJELEMEK**, *işl.* **1.** Penje bilen gysymlamak, tutmak, penjesine salmak. *Ýerden bir gysym topragy penjeledi-de, ony eliniň aýasynda saklap, gözüni aýyrman, uzak wagtlap oňa seredip durdy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Penje urmak, penje salmak; ýolmalamak. *Aýyjyk derýada ýüzüp baryp, uklap ýatan balykçyny penjelemelidi* ("Edebiýat we sungat").

**PENJELEMEKLIK,** *iş ady.* Penjelemek ýagdaýy.

**PENJELENMEK,** *işl.* **1.** Penje bilen gysymlanmak, tutulmak. *Indi ol ussa aganyň ýanyna baranda, penjelenjek ýaly busulmady* (R. Gelenow). **2.** Penje urulmak, ýapyşylmak, ýolmalanmak.

**PENJELEŞDIRMEK**, *işl.* Bir zady birnäçe gezek penjelemek, penje urmak, penjeläp çykmak.

**PENJELEŞMEK**, *işl.* Biri-birine penje urmak, biri-birine penje salmak.

**PENJELETMEK,** *işl.* **1.** Penje bilen gysymlatmak, tutdurmak. **2.** Penje urdurmak, ýapyşdyrmak, ýolmalatmak.

**PENJE-PENJE**, *at.* Birnäçe penje, birnäçe bölekden ybarat, topbak-topbak. *Oglanjyk gölejige penje-penje ýorunja berdi.*

**PENJIRE**, *at.* **1.** Äpişge. *Otagyň penjiresi.* **2.** Pelteli çyranyň bokurdagyndaky çyra çüýşesini saklaýan deşik-deşik tegelek demir. *Ol çyra nebit guýdy, penjiresini arassalap, çüýşe oturtdy.*

**PENSIONER** [pensiýone:r], *at.* Pensiýa alýan adam.

**PENSIÝA** [pe:nsiýa], *at*. Garrylyk, maýyplyk we ş.m. boýunça maddy taýdan üpjün etmek üçin tölenýän yzygiderli pul tölegi. *Beýik Watançylyk urşunyň weteranlarynyň, olaryň ýanýoldaşlarynyň we tylda zähmet çeken weteranlaryň pensiýalarynyň aýda iň ýokary möçberini 638 manat möçberinde bellemeli* ("Türkmenistan").

**PENŞENBE** [penşemme], *at*. Hepdäniň dördünji gününiň ady.

**PENT**, *at*. Birine berilýän nesihat, öwüt, tabşyryk, edilýän wesýet. *Sözleri pent bolup galdy tillerde…* (Magtymguly).

◊ **Pent almak** berilýän pendi kabul etmek, berjaý etmek. *Söz sorana diýrem aklym ýetenden, Pent alana biýrin zehnim tutandan, Tä ölinçä aýyrmasyn watandan Hiç bir bendesini huda, Seýidi!* (Zelili). *Atanyň pendini alan goç ogul…* (K.Gurbannepesow). **Pent bermek, 1)** nesihat etmek, wesýet etmek, öwüt bermek. *Gapynyň agzynda ak saçly ene, Pent berip otyrdy perzentlerine: «Eýläk pyrlansaň – Başyň aýlanar, Beýläk pyrlansaň – Düzeler ýene* (K.Gurbannepesow). **2)** kimdir birine ejir çekdirmek, horlamak. *Pent berýän oguldan özi saklasyn.* **Pent tutmak** berilýän pendi ýatdan çykarman berjaý etmek. *Onuň özi seýle-de etdi, meniň muňa näderejede hötde gelip bilendigimi bilemok, ýöne su pendi tutmaga yhlas edýärin* (Ahmet Gurbannepesow).

**PER I**, *at*. **1**. Guşlaryň uly ýeleginiň aşagyndan ösýän näzik ýelejik. **2**. *gepl.d.* Ýelek, ganat.

**PER II**, *at*. Suw degirmenini, gämileri we uçarlary herekete getirýän çarh şekilli enjam.

**PER III: per bermezlik** boýun egmezlik, guýruk tutdurmazlyk, eýgertmezlik. *Men size per bermerin.*

**PERDE I**, *at*. **1**. Sahnanyň öňüne tutulýan uly tuty. *Sahnanyň öňüni baglap duran perde-de syryldy* (T. Taganow). **2**. Gapa, penjirä tutulýan tuty (bu manyda seýrek ulanylýar). **3**. Drama eseriniň bir bölegi, bölümi. *Dört perdeli komediýa*. **3**. *anat.* Örtük, ýuka gabyk, gaýganak. *Gulak perdesi. Öýken perdesi.* **4**. *göç.m.* Gelin-gyzlaryň ýuka matadan ýüzüne tutýan örtgüsi, nykap. *Bir zaman perdäňi syrsaň ýüzüňden, Ak ýüzüňde hally juwan islärin* ("Görogly"). **5**. Tuwak. **6**. Gyza dakylýan at.

**PERDE II**, *at, sazç.* Kirişli saz gurallarynyň sapynyň sim bilen boglup goýulýan ýeri. *Baş perde. Nowaýy perdesi. Ýokarky perde. Bäş perde. Aşaky açyk (orta) perde. Şirwan perdesi.*

◊ **Bir perdeden gopmak** umumy dil tapmak, ylalaşmak.

**PERDELEME**, *iş ady.* Perdelemek ýagdaýy.

**PERDELEMEK I**, *işl.* **1**.Tuty tutmak, perde tutmak. *Aýnalary perdelemek.* **2**. Nykap çekmek, örtgi örtmek. **3**. *göç.m.* Ýaşyrmak, gizlemek, üstüni basyrmak.

**PERDELEMEK II**, *işl., sazç.* Kirişli saz gurallarynyň sapyna perde etmek. *Dutary perdelemek.*

**PERDELEMEKLIK**, *iş ady.* Perdelemek ýagdaýy.

**PERDELEMEZLIK**, *işl.* Perde tutmazlyk; ýaşyrmazlyk.

**PERDELENMEK I**, *işl.* **1**. Tuty tutulmak, perde tutulmak. **2**. *göç.m.* Ýüzi örtülmek, üsti basyrylmak, gizlenmek, ýaşyrylmak.

**PERDELENMEK II**, *işl., sazç.* Kirişli saz gurallarynyň sapyna perde edilmek.*Perdelenip goýlan dutarlar.*

**PERDELEŞDIRMEK,** *işl.* Birnäçe aýna, gapa perde tutup çykmak, tuty tutuşdyrmak. *Aýnalary perdeleşdirmek.*

**PERDELEŞMEK**,*işl.* Perde, tuty tutmaga kömekleşmek.

**PERDELETMEK I**, *işl.* Perdelemek işini başga birine etdirmek; perdelemäge ýol bermek; perdelemäge mejbur etmek.

**PERDELETMEK II**, *işl.* Kimdir birine dutar we ş.m. saz gurallarynyň sapyna perde goýdurmak. *Dutary perdeletmek.*

**PERDELI**, *syp.* **1**. Tuty tutulan; perde asylan, perde gerlen. *Perdeli penjire.* **2**. *teatr.* (Bir ýa birnäçe) bölümden durýan, bölümden ybarat. *Üç perdeli drama.* **3**. Ýüzi nykap bilen örtülen, ýapylan. **4**. Tuwakly. **5**. Adama dakylýan at.

◊ **Ýüzi perdeli 1)** özüniň hakykat ýüzünde erbet adamdygyny gizläp saklaýan (adam hakynda). **2)** utançly, haýaly, sypaýy.

**PERDELIK**, *syp.* Tutulyk, tuty etmek üçin, tuta niýetlenen. *Perdelik mata.*

**PERDIWAL** [perdi:wa:l], *at.* Tama pürs atylandan soňra goýulýan ýarym gor.

**PERENJE**, *at, ser.* **Bürenjek.** *Başy göwşüldän perenjeli, egni sowsany köýnekli çal saç bir aýaldy* (B. Kerbabaýew).

**PEREŇ**, *at.* Pyçagyň bir görnüşi.

**PERGANAT** [perğa:nat], *at, ser.* **Dikuçar**. *Dikuçara peri ganatyň hyzmatyny ýerine ýetiýändigi üçin perganat diýýänler hem bar.*

**PERI**, *at.* **1**.Ertekilerde, hyýaly eserlerde: owadan gyz. *Bilgiçler: – Eý köşegim, bu bag perileriň bagydyr – diýdiler* ("Saýatly – Hemra"). **2**. *göç.m.* Gözel, owadan.

**PERIK,** *at.* **1**. Daşyna keleplenen ýüplük geýdirilip çözlenýän ýa-da ýumaga, tütä saralan sapaklar kelep edilýän tara guraly. **2**. Suw degirmeniniň çarhy. *Indi negada bir gün diýäýmeseň perigiňem, suwuňam sesi eşidilenokdy* (R. Gelenow).

**PERI-PEÝKER**, *at.* Peri keşpli, peri surat. *Ol peri-peýker sypatly ýary gördüm, şondadyr* (Magtymguly).

**PERIŞAN** [peri:şa:n], *syp.* **1**. Gamgyn; erbet, ýaramaz. *Köňlüm perişandyr, sähwim derazdyr* (Magtymguly). *Altynyň halynyň perişan bolup oturanyny aňlaýanlar bardy* (N. Saryhanow). *Aýdyp otur, neçün halyň perişan?* (G. Ezizow). **2**. Dagynyk, bulaşyk, tertipsiz. *Onuň perişan saçlary eginlerine dökülipdir* ("Edebiýat we sungat").

**PERIŞANLYK** [peri:şa:nlyk], *at.* Perişan halda bolmaklyk. *Ýüzümiň perişanlygy we onuň geljegi meni köp närahat edýär* (A. Gowşudow).

**PERIŞDE** [peri:şde], *at.* Dini düşünjä görä hudaý tarapyndan ýaradylan we asmanda ýaşaýan juda görmegeý hem-de gowy häsiýetli melek. *Olar: – Sen ynsmysyň, jynsmysyň, almyň ýa-da perişdemiň? – diýip soradylar* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Perişde ýaly** arassa, päkize, päk. *Perişde ýaly garry.* **Peýdasyz perişde** her näçe gowy hem bolsa, başga kişä peýdasy degmeýän, haýry ýetmeýän adam. *Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy* (Atalar sozi).

**PERIZAT** [peri:za:t], *at.* **1**. Adamyň gözüne görünmeýän, görke, husna baý bolan periden doglan peri çagasy. *Birazdan soň bolsa bir perizat köşkden gizlinlik bilen sallanyp düşýär* ("Türkmen halk ertekileri"). *Mejnun Leýli perizady Söýen dek söýmüşem seni* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Görmegeý, gözel, näzenin.

**PERMAN** [perma:n], *at.* **1**. Döwlet baştutanynyň kadalaşdyryjy hukuk häsiýeti ýa-da kanun güýji bolan namasy. *Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 54-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň bütin çäginde hökmanylyk güýji bolan permanlary çykarýar* (Türkmenistanyň Konstitusiýasy). **2**. Oglana dakylýan at.

**PERPENDIKULÝAR** [perpendikulýa:r], *at, geom.* **1**. Şol bir göni çyzyk ýa-da tekizlik bilen 90° burçy emele getirýän göni çyzyk. **2**. Perpendikulýar bolan. *Perpendikulýar çyzyk.*

**PERRAÇ** [perra:ç], *at, kön.s.* Nöker, esger. *Nazar perraç oňa başgaça düşündi* (A. Gowşudow).

**PERS**, *at, kön.s.* Görnüş, şekil, boluş, keşp; durk. *Eli palçyga batan ýaly hemişe bulaşyp oturmak gelşikli öýüň persini bozjak* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýüzüniň persi üýtgemek** ýüzüniň keşbi üýtgäp gitmek.

**PERSALA** [persa:la], *syp.* Çyzym-çyzym edilen, çylgym-çylgym ýara salnan, ýaralanan. *Demirtiken, gyzgan, ýandak ýaly tikenli çöpler aýagyny pers-ala etse-de, azasyny duýmady* (H. Derýaýew).

**PERT**, *hal.* Buýtar-suýtar etmän, örän düşnükli görnüşde. *Bu şonuň işi diýip pert aýtdy* (N. Baýramow). *Pert jogap bermek.*

**PERT-PERT**, *hal.* Yzly-yzyna pert görnüşde. *Birdenkä-de başyny galdyryp, edil ýygnakda gürrüň edýän ýaly, pert-pert sözledi* (B. Kerbabaýew).

**PERWANA** [perwa:na], *at.* **1**. Kebelek. *Senem bilen aýralygyň oduna, Perwana dek ýana-ýana gelemen* ("Şasenem – Garyp"). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Perwana bolmak** biriniň yşkyna düşmek, biri diýip ýanyp köýmek, däli-diwana bolmak, daşynda kebelek bolmak. **Perwana dek (ýaly) pyrlanmak** gowy görünjek bolup, daşynda kebelek bolup aýlanmak. *Ol seniň daşyňda perwana dek pyrlanýar* ("Edebiýat we sungat").

**PERWAÝ** [perwa:ý], *at, kön.s.* Alada, gorky, gaýgy, azar, ünji.

◊ **Perwaýyna däl** azaryna däl, piňine däl. *Ol seretdimi, seretmedi, Amanlynyň perwaýyna däl* (N. Pomma).

**PERWAÝSYZ** [perwa:ýsyz], *syp.* Hiç bir zadyň pikirini etmeýän, bolup duran zatlara üns bermeýän, biperwaý. *Ol hiç diýdi-de, perwaýsyz jogap berdi* ("Edebiýat we sungat").

**PERWAÝSYZLYK** [perwa:ýsyzlyk], *at.* Perwaýsyz bolmaklyk, biperwaýlyk. *Perwaýsyzlyk etmek.*

**PERWAZ** [perwa:z], *at.* **1**. Jaý basyrylanda pürsleriň üstünden goýulýan gysgajyk tagta(lar). **2**. Agajyň ýapraklarynyň şygyrdysy, guşuň ganatlarynyň hereketi netijesinde döreýän ses. *Bilbil perwaz eder gunça güllerde* ("Saýatly – Hemra").

◊ **Perwaz eýlemek** uçmak, ganat kakmak. *Perwaz eýläp, seýran etdim dünýäni* (Magtymguly). **Perwaz urmak (bolmak)** uçganaklap, daşyndan aýrylmazlyk, oda-köze düşmek, biriniň göwnüni awlajak bolmak, kökenek bolmak, perwazlamak. *Perwaz urup kän aýlandym daşynda* (A. Salyh).

**PERWAZLAMAK** [perwa:zlamak], *işl., gepl.d.* Aýrylyp bilmän, biriniň daşynda aýlanmak.

**PERÝAT** [perýa:t], *at.* **1**. Ýangynly, gynançly agy, dady-perýat, ahy-nala. *– Bilbil, ýagty jahany görse, bir perýat urar – diýdi* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2**. Arz, nalyş. *Ol perizat perýadymy aňmazmy?* (G. Muhtarow).

◊ **Perýat kylmak** kömek sorap perýat etmek, dat etmek.

**PERZENT**, *at.* Çaga, zürýat. *Dogan doganyň daşy, Perzent ýüregiň başy* (Nakyl). *Perzent perzent bolar, ata-da ata* (G. Ezizow).

**PERZENTLIK**, *at.* Perzende degişli, perzende laýyk. *Perzentlik borjumy berjaý etmesem bolmaz.*

**PERZENTSIZ** [perzenssiz], *syp.* Perzendi ýok, perzendi bolmadyk. *Perzentsiz adam.*

**PERZENTSIZLIK** [perzenssizlik],*at.*Perzentsiz ýagdaýda bolmaklyk,çagasyzlyk, zürýatsyzlyk. *Perzentsizlik zaryn çekdim* ("Görogly").

**PERZI**, *at.* Küşt oýnunda mallaryň iň güýçlüsi, şadan soňky ikinji esasy mal. *Uly malyndan-da ikisini gideripdi, hatda perzisiniň-de göçeri azalýardy* (B. Kerbabaýew).

**PES**, **1**. *syp.* Boýy ýeterlik derejededen gysga, kelte. *Selim şyh pes boýlurak gaty gujurly adam* (Ç. Aşyrow). **2**. Çöket ýer, oý. *Pis pisi tapar, suw – pesi* (Nakyl). **3**. Kanagatlanarly däl, ortadan aşak, orta derejä ýetmedik, bellenen hilden ýaramaz, bellenen möçberden kem, az. *Gelin, onyň dogry welin, meniň beýleki halylarym hiç bir halydan pes däldir* (A. Gowşudow). **4**. Adamkärçilik, gylyk-häsiýet taýdan ýaramaz. *Ol pes adam eken.*

◊ **Pese düşürmek** peseltmek. *Sen öz dostlaryň öňünde abraýyňy nähili pese düşüripsiň* (B. Pürliýew). **Pese gaçmak (düşmek)** öňki derejesinden peselmek, aşak düşmek. *Dünýä biržasynda gyzylyň bahasy pese gaçypdyr.* **Pes göwünli** özüni kiçi tutýan, sada, pes pälli.

**PESELIŞMEK**, *işl.* Kem-kemden peselmek, dura-bara peselmek, az-kem peselmek, birneme peselmek (*peselmek* işliginiň **1-5** manylary boýunça).

**PESELME**, *iş ady.* Peselmek ýagdaýy.

**PESELMEK**, *işl.* **1**.Boýy kemelmek, pes bolmak. *Üstünden köp wagt geçensoň, gala birneme peselen*

*ýaly görünýär.* **2**. Aşak düşmek, aşaklamak, azalmak. *Suwuň meseleni bilen peseleniniň onçakly tapawudyny hem bilip duramok* (B. Kerbabaýew). **3**. Keseliň, syrkawyň ugry gaçyp başlamak, ýagdaýy agyrlaşmak, ýaramazlaşmak, erbetleşmek. **4**. Nyrhy, gymmaty kemelmek, pese düşmek, arzanlamak. *Harytlaryň nyrhy peselmek.* **5**. Gowşamak, ýuwaşamak, haýallamak. *Saz kä peselip, kä batlanýar.*

**PESELMEKLIK,** *iş ady.* Peselmek ýagdaýy.

**PESELMEZLIK,** *iş ady.* Pes bolmazlyk, pese gaçmazlyk, aşak düşmezlik.

**PESELTDIRMEK,** *işl., ser.* **Peseltmek**. *Eýsem ýerasty suwlaryň derejesini nähili peseltmeli... – munuň hem çözgüdi tapyldy* ("Türkmenistan").

**PESELTMEK,** *işl.* **1**. Boýuny kemeltmek, peseltmek, gysgaltmak. **2**. Aşak düşürmek. **3**. Ýagdaýyny, halyny erbetleşdirmek, ýaramazlaşdyrmak. **4**. Bahasyny, gymmatyny azaltmak, kemeltmek, arzanlatmak. **5**. Gowşatmak, ýuwaşatmak, haýallatmak. *Ol basym sesini peseldip, hemişeki parahat gürrüňine öwürdi* (A. Gowşudow).

**PESEŇ,** **1**. *syp.* Pesräk. **2**. *at.* El terezisiniň iki tarapyny deňlemek üçin ýeňil tarapyna dakylýan agramlyk daş.

**PESINDEN** [pesinnen], *hal.* Hiç bolmanda, iň bolmanda, azyndan.

**PESINE** [pesi:ne], *at.* Galoşyň apgyrdynyň içinden tikilýän gaýyş.

**PESLEMEK**, *işl.* Pes oturmak, ýuwaşamak.. *Olam-a peslär ýaly däl, eden işini oňarýar.*

**PESLIK**, *at.* **1**. Pes ýer, çöketlik, oý ýer. **2**. Gysgalyk, keltelik. *Onuň boýy birneme peslik edýär.* **3**. Adamkärçiligi, gylygy ýaramaz bolmaklyk. *Göripçilik etmek peslik dälmidir?*

**PESPÄL** [pespä:l], *syp.* Adamkärçilikli, göwni pes, ulumsy bolmadyk. *Pespäl adam.*

**PESPÄLLIK** [pespä:llik], *at.* Kiçi göwünlilik, päli peslik, men-menlik etmezlik, gopbamsy dällik.

**PESPÄLLILIK** [pespä:llilik], *at. ser.* **Pespällik.**

**PESSAÝ** [pessa:ý], *syp., hal.* Ýuwaşlyk bilen, ýuwaşjadan, çalaja (ýel hakynda). *Pessaý şemal gelen wagty, Gozganýar agaç depesi* (R. Seýidow). *Ol pessaý hiňlenip ugrady.*

**PESSAÝLAMA** [pessa:ýlama], *iş ady.* Pessaýlamak ýagdaýy.

**PESSAÝLAMAK** [pessa:ýlamak], *işl.* **1**. Ýuwaşap ugramak, gowşamak (esasan, şemal, ýel hakynda). *Pessaýlap öwüsýärdi ýazyň şemaly* (A. Kekilow). **2**. Kem-kemden aşaklamak, pese inmek, aşak inmek. *Kä belentläp uçdum, käte pessaýlap* (K. Gurbannepesow).

**PESSAÝLAMAKLYK** [pessa:ýlamaklyk], *iş ady.* Pessaýlamak ýagdaýy.

**PESSAÝLAŞMAK** [pessa:ýlaşmak], *işl.* **1**. Kem-kemden pessaýlap ugramak, gowşamak. *Şemal pessaýlaşdy.* **2**. Ýuwaşlyk bilen aşak inmek, kem-kemden aşaklamak, pese düşmek. *Pessaýlaşyp uçup barýan guşlara gözüm düşdi.*

**PESSAÝLATMAK** [pessa:ýlatmak], *işl.* **1**. Ýuwaşadyp ugratmak, gowşatmak. **2**. Ýuwaşlyk bilen aşak indirmek, kem-kemden aşaklatmak.

**PESSAÝLYK** [pessa:ýlyk], *at.* Ýuwaşlyk, mylaýymlyk (ýel hakynda). *Ýaz şemaly pessaýlyk bilen ösýärdi.*

**PESSAÝ-PESSAÝ** [pessa:ý-pessa:ý], *hal.* Ýuwaş-ýuwaşdan, kem-kemden, usullyk bilen, assa-assa, emaý bilen. *Aýlanyp-aýlanyp, bizi tapmansoň, Pessaý-pessaý aşak inip başlady* (Ş. Kekilow). *Onuň giden yzy bilen Pessaý-pessaý gadam urdy* (Ç. Aşyr).

**PESSEWE** [pessöwö], *at, kön.s.* Gadym zamanlarda atly gezýän hanyň, harby ýolbaşçynyň attutary. *Görse bu sapar munuň ýanynda diňe pessewesinden başga adam ýok* (A. Gowşudow).

**PEŞ I**, *at.* Köplenç, ak reňkli uzyn in matadan kellä oralýan selle, çalma. *Aýagy çepekli, kellesi peşli, Pete-pet çykandyr, ýadaw bir fellah* (K. Gurbannepesow).

**PEŞ II**, *at.* Gyzgyn çägede gowrulan mekgejöwen dänesiniň açylany.

**PEŞE**, *at, ser.* Çybyn. *Duşmanyň peşeçe bolsa, pilçe gör* (Nakyl). *Hiç-haçan deň gelmez pil bilen peşe, Garaňkylyk dyza çöker hemişe* (A. Kekilow).

◊ **Peşeden pil ýasamak** ujypsyz zady ulaltmak, çendenaşa çişirmek.

**PEŞEHANA** [peşeha:na], *at.* Çybyndan, aýakçydan goranmak üçin hasadan tikilen çadyr.

**PEŞEHORDA** [peşeho:rdo], *at.* Awuly çybynlaryň çakmagy sebäpli adamyň bedenine çykýan hem-de, köplenç, ýere ilkinji gyraw düşýänçä gutulmaýan agyrysyz baş, ýara. *Onuň sag dulugynda peşehordanyň yzy bildirýärdi* (A. Gowşudow).

**PEŞEMEK,** *işl.* Aýaklary bilen ýeri dörmek, dörjelemek, oýmak. *Horaz bolsa eşegiň üstünde aýaklary bilen peşäp, küli tozadyp gelýär, ýakyn geldigiçe hem tozany köpelýär* ("Türkmen halk ertekileri").

**PEŞENE**, *at.* Görk-görmek, owadanlyk, gelşik, syrat, sypat.

**PEŞENELI**, *syp.* Ýüz keşbi gelşikli, owadan, görmegeý, syratly. *Şol wagt köpçüligiň içinden peşeneli bir ýaşuly saýlanyp orta çykýar* (G. Ezizow).

**PEŞENELILIK**, *at.* Peşeneli görnüşde bolmaklyk, görmegeýlik, syratlylyk.

**PEŞEŇ**, *at.* Düýbündäki deşijegine mis oturdylýan we içine däri, seçme, gülle salynýan demirden ýa-da gaty kagyzdan edilen turbajyk şekilli partladyjy guty, gap.

**PEŞEŞDIRMEK**, *işl.* Köp ýeri peşäp çykmak.

**PEŞEŞMEK**, *işl.* Bilelikde yzly-yzyna peşäp durmak.

**PEŞETMEK**,*işl.* Öň aýaklary bilen ýeri dördürmek, dörjeletmek, oýdurmak, peşäp durmagyna ýol bermek, peşemeginiň öňüni almazlyk.

**PEŞEW** [peşöw], *at.* Böwrek üsti bilen bölünip, siýdiklik arkaly çykýan suwuklyk; siýdik.

◊ **Peşew etmek** buşukmak, siýmek.

**PEŞEWHALTA** [peşöwhalta], *at.* Siýdik ýygnanýan beden agzasy, siýdikhalta.

**PEŞGEŞ** [peşğeş], *at.* Sylag, sowgat hökmünde mugt berilýän zat.

**PEŞMEK**,*at.* Düýbi inçe, ýokarsy gaba, telpekläp ösýän ýabany ot we onuň guran görnuşi.

◊ **Peşmek ýaly 1)** ýeňil; **2)** gabarasyna görä agramy ýok.

**PEŞŞAP** [peşşa:p], *at, taryh.* Şalaryň, hanlaryň saklaýan gullukçy hyzmatkäri, ýasawul. *Sen bu ýerde kän durma, biziň peşşaplarymyz seni görseler, öldürerler* ("Görogly").

**PEŞŞERILMEK**, *işl.* Pezzerişmek, hüžžerişmek.

**PEŞŞERMEK,** *işl.* Pezzermek, çişmek, hüžžermek.

**PEŞŞERTMEK**, *işl.* Pezzermek, hüžžertmek.

**PET I,** *at, kön.s.* Ýüz.

◊ **Petine gar ýagmak** işi gaýtmak, şowsuzlyga uçramak, erbet ýagdaýa düşmek.

**PET II**, *at.* Matany petlemek üçin suwa un goşup, ýörite taýýarlanylýan suwuklyk.

**PETDE I**, *at.* Ýandak, ýowşan we ş.m. ösümlikleriň ýyglyp, depelenip üýşürilen üýşmegi, topbagy. *Ullakan petde etdim-de, suwuň öňüni basjak boldum* (B. Japarow).

**PETDE II**, *at, ser.* **Toraňňy**.

**PETDELEME**, *iş ady.* Petdelemek ýagdaýy.

**PETDELEMEK**, *işl.* Ýandak, ýowşan we ş.m. otlar ýyglandan soň, olary depeläp, petde görnüşine getirmek, petde etmek. *Ýandak petdelemek.*

**PETDELEMEKLIK**, *iş ady.* Petdelemek ýagdaýy.

**PETDELEMEZLIK**, *iş ady.* Petde etmezlik. *Ýandagy petdelemän üýşürmek.*

**PETDELENMEK**, *işl.* Petde görnüşine getirilmek, petde edilmek. *Petdelenen ýandaklary bir ýere basyp goýmak.*

**PETDELEŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýan ujundan petde-petde edip çykmak, petde-petde edişdirmek (köp sanly petde hakynda) .

**PETDELEŞMEK**, *işl.* **1**. Birine petdelemäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe adam bir wagtda bilelikde petdelemek. *Olar ýatyrylan ýandaklary petdeleşip ýördüler.*

**PETDELETMEK**, *işl.* Depeläp, petde görnüşine getirtmek, petde-petde etdirip goýdurmak; petdelemäge mümkinçilik döretmek, ýol bermek. – *Aşyr, ýygan ýandaklaryňy maňa petdeledäý, men senden gowurak petdelärin*.

**PETDE-PETDE**, **1**. *at.* Köp sanly petde. *Petde-petde ýandaklar meýdanda ýaýrap ýatyrdy*. **2**. *gepl.d.* Daňy-daňy (köp sanly daňy). *Petde-petde pul bermek.*

**PETEK,** *at.* Aýakgabyň içine düşemek üçin ýörite kesilen keçe bölegi, olduryk. *Köwşüň petegi.*

**PETEKE**, *at.* **1**.Guşlaryň döşüniň iç ýüzünde iýmit ýygnaýan ýeri. **2**. Kükregiň ýokarky gapyrgadan döş süňküniň gutarýan ýerine çenli bolan aralygy, kükrek.

◊ **Petekesinden otlamak** golaý aralykdan atmak, döşünden çenäp atmak. **Petekesini gaýşartmak** özüni hondan bärsi saýmak, ulumsylyk, gopbamsylyk etmek, eýemsiremek. *Hil bir iş bitiren ýaly bolup, petekesini gaýşartdy* (R. Gelenow).

**PETEKLEMEK**, *işl.* Köplenç, keçe bolegini laýyklap kesip, köwşüň içine petek etmek; köwşüň içine petek salmak.

**PETEŇ: peteň etmek** bizar etmek, ýürege düşmek, irizmek, ýadatmak. *Ol özüniň guduzlygy bilen ähli obany peteň edipdi* (Ç. Aşyr).

**PETEŇ-BIZAR** [peteň-miza:r]: **peteň-bizaryny çykarmak** biriniň halys ýüregine düşmek, kimdir birini bizar etmek, halys irizmek. *Wagtynda hiç zadyň etmän azaryn, Tanyş-bilişleriň peteň-bizaryn Çykarypdy, sorap kömek bermegin* (A. Kekilow).

**PETE-PET**, *hal.* Ýüzbe-ýüz, garşyma-garşy, gabatma-gabat. *Öwrümde ol ikimiz pete-pet geldik.*

**PETIGARA** [petiğara], *syp.* Işi gaýdan, bagtsyz, gara maňlaý, biçäre, görgüli. *Bu peti garany öldüren bolaýmaýyn diýip gorkdy* (A. Gowşudow).

**PETIGULY** [petiğuly]**: petigulusyny bermek** kesgitli jogap bermek, gaýtargysyny bermek, geplemez ýaly etmek, ikini islemez ýaly etmek.

**PETIK**, *at.* Bent edilen, öňi baglanan, beklenen, ýapylan.

**PETIKLEME**, *iş ady.* Petiklemek ýagdaýy.

**PETIKLEMEK**, *işl.* Öňüni baglamak, bentlemek; dyky we ş.m. zat bilen beklemek, ýapmak, dykmak. *Işini bitiren dessine-de deşigi köne pagta bilen petikläpdir* (R. Gelenow).

**PETIKLEMEKLIK**, *iş ady.* Petiklemek ýagdaýy.

**PETIKLENMEK**, *işl.* Öňi baglanmak, dyky we ş.m. zatlar bilen dykylyp beklenmek, ýapylmak.

**PETIKLEŞDIRMEK**, *işl.* Ähli ýerini ýapyp, bekläp çykmak.

**PETIKLEŞMEK**, *işl.* Petiklemäge, ýapmaga, dykmaga kömekleşmek.

**PETIKLETDIRMEK**, *işl.* Birine öňüni baglatmak, dyky dykyp bekletmek, ýapdyrmak.

**PETIKLETMEK**, *işl.* Petiklemek işini başga birine etdirmek, petiklemäge mejbur etmek.

**PETIKLEÝIŞ**, *iş ady.* Petiklemek ýagdaýy.

**PETIR** [peti:r], *at.* Tutuş ýüzi , köplenç, ik bilen dürtülip, hamyry aldyrylman bişirilýän çörek. *Meniň jigim gerekli, Eli petir çörekli* (Hüwdüden).

◊ **Petir bezelen ýaly** deşik-deşik, dürtük-dürtük. *Ýeriň ýüzi petir bezelen ýaly çukanak bolup görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**PETIŞ**, *syp.* Dymyk, dymyljyk, demikdiriji, kapas (şemalsyz yssy howa hakynda). *Agşamlaryna dymyk hem petiş bolýardy* (A. Gowşudow).

**PETIŞLENMEK**, *işl.* Petiş bolmak, dymyk bolmak, demikdiriji, tutuk bolmak, kapaslanmak (howa hakynda). *Gijara ýel turjak ýaly, howa totlandy-da petişlendi* (B. Kerbabaýew).

**PETLE** [petile/petle], *at.* Gabsadyr äpişgäni çarçuwa, söýä berkitmek üçin içine eplenýän ýasy demir enjam.

**PETLELEME** [petleleme], *iş ady.* Petlelemek ýagdaýy.

**PETLELEMEK** [petlelemek], *işl.* Petle kakmak, petle oturtmak.

**PETLELEMEKLIK** [petlelemeklik], *iş ady.* Petlelemek ýagdaýy.

**PETLELEMEZLIK** [petlelemezlik], *iş ady.* Petle oturtmazlyk.

**PETLELENMEK** [petlelenmek], *işl.* Petle oturdylmak. *Täze salnan jaýlaryň gapylary petlelenipdir.*

**PETLELEŞDIRMEK** [petleleşdirmek], *işl.* Petle oturdyp çykmak.

**PETLELEŞMEK** [petleleşmek],*işl.* **1**. Petle oturtmaga kömekleşmek. *Agama täze jaýlarynyň gapylaryny petleleşdim.* **2**. Birnäçe bolup petlelemek. *Agaç ussalary mekdebiň täze jaýynyň äpişge-gapylaryny petleleşip durdular.*

**PETLELETMEK** [petleletmek],*işl.* Petle oturtmak işini başga birine etdirmek. *Gapydyr äpişgeleri petleletmek.*

**PETLELEÝIŞ** [petleleýiş],*iş ady.* Petlelemek ýagdaýy.

**PETLEME**, *iş ady.* Petlemek ýagdaýy.

**PETLEMEK**, *işl.* Erişlik, argaçlyk ýüpegi, ýüplügi boýalandan soň petli suwa batyryp çykarmak, pet bermek.

**PETLEMEKLIK**,*iş ady.* Petlemek ýagdaýy.

**PETLEMEZLIK**, *iş ady.* Petli suwa batyryp, pet bermezlik.

**PETLENMEK**, *işl.* Petiň içine salnyp çykarylmak, pet berilmek. *Erişleriň-de girjegi girip, petlenjegi petlendi* (N. Pomma).

**PETLEŞDIRMEK**, *işl.* Ýüpek sapaklary, ýüplükleri bir ýan ujundan petläp çykmak.

**PETLEŞMEK**, *işl.* **1**. Birine petlemäge kömekleşmek. *Ýüplük petleşmek.* **2**. Birnäçe bolup, bilelikde petlemek. *Aýallar ýüplük petleşip otyrdy.*

**PETLETDIRMEK**, *işl., ser.* **Petletmek**. *Köýnegiň ýakasyny petletmek.*

**PETLETMEK**, *işl.* Petlemek işini başga birine etdirmek, petlemäge mejbur etmek, petlemäge ýol bermek.

**PETLI,** *syp.* Pete ýatyrylan, pet berlen. *Petli mata.*

**PETREDIŞMEK** [petiredişmek], *işl.* Birnäçe adam bir wagtyň içinde gözüni petretmek.

**PETREMEK** [petiremek], *işl.* Gözi hanasyndan çykaýjak ýaly mölermek, alarmak (göz hakda) . *Ýyldyz sanaýan ýaly, ýüzüni diň göge tutup, gözüni petredip dur* (N. Pomma). *Gözüňi petredip seretmek*

**PETREŞMEK** [petireşmek], *işl.* **1**.Gözleri hanasyndan çykaýjak ýaly bolup durmak. *Ýyldyzlar petreşip ýüzüne bakýar, Göýä söýgüli ýar gaşyny kakýar* (A. Kekilow). **2**. Açyk, aýdyň görnüşip durmak, ýaldyraşmak. *Ýyldyzlar örän aşakdan petreşip görünýärdiler* (B. Seýtäkow).

**PETRETMEK** [petiretmek],*işl.* Gözlerini hanasyndan çykaraýjak ýaly etmek. *Ol gözlerini petredip, daş-töweregine garanjaklady.*

**PEÝ: peýini tapmak** *ser.* **Peýlemek**. *Günleriň bir gününinde peýini, ebeteýini agtaryp, öz sözüni aýdyp goýdy* (B. Kerbabaýew).

**PEÝAN** [peýa:n], *at.* **1**. *k.d.* Ykrar, durnuk, haýyr, peýda. *Panydyr, hiç kime peýany bolmaz* (Magtymguly). **2**. Peýda, haýyr. *Jepasyny çekmeseň, peýany bolmaz* ("Görogly").

◊ **Peýan bermezlik** ynamy ödemezlik, tamany ödäp bilmezlik, wepa bermezlik, haýyr etmezlik.

**PEÝANSYZ** [peýa:nsyz], *syp.* Ykrarsyz, durnuksyz, wepasyz. *"Ah, peýansyz dünýä inenler!" diýip, elimi silkip goýberdim* (R. Gelenow).

**PEÝANSYZLYK** [peýa:nsyzlyk], *at.* Peýany ýokluk,ygrarsyzlyk, durnuksyzlyk.

**PEÝDA** [peýda:] **I**, *at.* **1**. Oňaýly netije, haýyr, nep. *Seniň maslahatyň peýdasy bolarmyka?* **2**.Ýardam, kömek. *Ol maňa uly peýda berdi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Peýdasy degmek** peýdasy bolmak, peýdaly bolmak, haýyr etmek. *Şu dermanyň kellagyryma peýdasy degermikä?*

**PEÝDA** [peýda:] **II**: **peýda bolmak** ýüze çykmak, görünmek, gelmek; döremek. *Kerwenleriň içinde wagtyhoşluk peýda boldy* ("Hüýrlukga – Hemra").

**PEÝDAKEŞ** [peýda:keş], *at.* **1**. Haýyr görmek üçin alyş-çalyş, söwda-satyk bilen meşgul bolýan ownuk söwdagär. *Bizler peýdakeş däl, çarwa adam* ("Görogly"). **2**. *gepl.d.*Haýryna, peýdasyna çapyjy.

**PEÝDAKEŞLIK** [peýda:keşlik], *at.* Peýda, haýyr görmek maksady bilen alyp satmaklyk, peýdakeşiň käri.

**PEÝDALANMAK** [peýda:lanmak], *işl.* **1**. Öz geregine ulanyp bilmek, işletmek. **2**. Bir zatdan haýyr, nep, peýda görmek, düşewünt düşürmek.

**PEÝDALY** [peýda:ly], *syp.* Netijesi gowy, haýyrly, nepli. *Peýdaly iş.*

**PEÝDALYLYK** [peýda:lylyk], *at.* Peýdasy barlyk, peýdaly bolmaklyk, peýdasyz dällik.

**PEÝDASYZ** [peýda:syz], *syp.* Peýdasy bolmadyk, peýdasy ýok, haýyrsyz. *Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy* (Nakyl).

**PEÝDASYZLYK** [peýda:syzlyk], *at.* Peýdasy ýokluk, peýdaly dällik, peýdasyz bolmaklyk.

**PEÝKAL** [peýka:l], *at.* **1**. Çarhyň içinden geçip, degirmen daşyny aýlaýan dik sütüniň aşaky çiş ujy. **2**. Bir bölek ekin meýdany. *Garawekiliň jaryna düme ekilen bir peýkal ýerde bugdaýdyr künjüden özlerine zähmet güni hökmünde lomaýja paý ýeter öýdüpdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). *Bir gün ýandak çapýarlar, bir gün bugdaýa suw tutýarlar, atyzlary giňeltmek, birleşdirmek üçin beýigräk ýerleriň gumuny jara döküp gelmek işinde işleýärler, garasaý, kolhoz näme iş buýursa, dannawsyz edip ýör, arasynda dümeçiligimizdäki peýkalymyza barybam işläp gaýdýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**PEÝKAM** [peýka:m] **I**, *at.* **1**. Ýaý okunyň ujuna geýdirilýän ujy çiş demir. *Ilki gören zady ok bilen peýkam* (K. Gurbannepesow). **2**. *gepl.d.*Ýaýyň oky.

*Peýkam aldy çep gözüni, Kör arçyndy soňky ady* (Ç. Aşyrow). **3**. *gepl.d.*Sagadyň dili. *Sagadyň peýkamlary on ikini görkezýärdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Peýkam nagşy** el işlerine salynýan, ýaý okunyň ujundaky peýkama meňzeş nagyş.

**PEÝKER** *at., k.d.* Beden, ten; şekil, surat, keşp (*ser*. **Peri-peýker**).

**PEÝLEME**, *iş ady.* Peýlemek ýagdaýy.

**PEÝLEMEK**, *işl.* Bir zadyň amatyny tapmak, maýyny agtarmak, çemini gözlemek.

**PEÝLEÝIŞ**, *iş ady.* Peýlemek ýagdaýy.

**PEÝMAN** [peýma:n], *at.* Berlen söz, edilen äht, wada. *Ol ne kimse ötendir, äht ile peýmany dört* (Magtymguly). *Seniň her bir sözüň, her bir arzuwyň, Mukaddes peýman dek ýerine ýeter* (A. Kekilow).

**PEÝMANA** [peýma:na], *at, k.d.* **1.** Berlen ömür, müddet, pursat. **2.** Käse, pyýala.

◊ **Peýmanasy dolmak** sanaglysy dolmak, aradan çykmak, ölmek, ýogalmak, dünýäden gaýtmak. *Ajal ýetip, peýmanamyz dolmasa, Ýyglama, Senem gyz, gitsem gelermen* ("Şasenem – Garyp"). *Toba jamyn noş kyl ol peýmana dolmazdan burun* (Magtymguly).

**PEÝMEN**, *at.* Galla salmak üçin ýörite dokalýan alty-ýedi putluk çuwal. *Uşakgöz elekden geçirilen künjüleri ýörite peýmenlere salarlar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). *Bir hepdäniň dowamynda taýýarlanylan künjüli, çowdaryly peýmenleri, sarganlary, kaklary, sökleri maşyn bilen araba mas ýüklärdiler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

◊ **Peýmen etmek** önen dänäni daýhan bilen ýer eýesiniň *peýmene* salyp bölüşmegi.

**PEÝNI**, *at.* Palasa, kilime salynýan ownuk gara nagyş.

**PEÝNIR** [peýni:r], *at.* Dowar süýdünden ýörite uýadylyp, sykylyp taýýarlanýan iýmit.

**PEÝNIRMAÝA** [peýni:rma:ýa], *at.* Peýnir taýýarlamakda ulanylýan maýa.

**PEÝŞIN** [peýşi:n], *at.* Öýle wagtyndan ikindä çenli bolan wagt aralygy, günüň öýleden agan wagtlary. *Asmana seretdim, gün eýýäm peýşin* (K. Gurbannepesow).

**PEÝWER** [peýwör],*at.* Bagşylaryň biriniň beýlekisine eýerip ýerine ýetirýän aýdyşyk aýdymy. *Ikisi peýwer aýdyşdy* ("Görogly").

**PEÝWAGTYNA** [peýwağtyna],*hal.* Iş bilen däl-de, öz erkine. *Obadaşlar! Men siziň ýanyňyza öz peýwagtyma, ýönekeý gelemok* (B. Kerbabaýew).

**PEÝWENDI** [peýwönnü], *syp.* Sapylan, peýwent edilen (miweli agaçlar hakynda). *Olaryň bäri ýanynda iki sany uly peýwendi tut garalyp otyr* (K. Jumaýew).

**PEÝWENT: peýwent etmek** miweli agajyň hilini gowulandyrmak üçin onuň gabygyny ýaryp, oňa ikinji bir miweli agajyň gözüni berkitmek arkaly täze ösüntgi almak, sapmak.

**PEZZERILMEK**, *işl.* Gabarylmak, hüžžerilmek.

**PEZZERIŞMEK**, *işl.* Gabarylyşyp, hüžžerişip durmak.

**PEZZERME,** *iş ady.* Pezzermek ýagdaýy.

**PEZZERMEK,** *işl.* Gabarmak, tike-tike bolmak (saç, murt, sakgal hakynda). *Onuň gözleri uçganaklady, murty pezzerdi, gollaryny çyzgap, ellerini owkalaşdyrdy* (B. Kerbabaýew).

**PEZZERTMEK**, *işl.* Gabartmak, hüžžertmek. *Murtuny pişge ýaly pezzerden dilmaç geldi* (B. Kerbabaýew).

**PEZZIK,** *syp.* **1.**Gabaryp duran, hüžžerip duran. **2**. Ýalaňy odun ýakanyňda köz galmaýan çöp-çalam. *Pezzik ýowşan.*

**PÄH**, *üml., ser.* **Pähey**.

**PÄHEÝ**, *üml.*Haýran galmagy ýa-da makul bilmezligi aňladýar. *Päheý! Çagalar üçin dil öwrenmek kyn zatmy?* (H. Ysmaýylow).

**PÄHIM,** *at.* Aň-düşünje, paýhas, akyl. **2**. Pähimli, parasatly sözler.

◊ **Pähim etmek** akyl ýetirmek, aňmak, göz ýetirmek. *Kimse pähm etmez bu derdim, bolmuşam dermanda men* (Magtymguly). *Mähri! Sen öz hatyň nähili günlere hiç bir oslanylmadyk ýerden maňa gelip ýetişenini bir pähim edip gör* (A. Gowşudow). **Pähimi ýetmek** düşünip bilmek, aňy ýetmek, akyly çatmak. *Akyl äriň pähmi ýeter bu söze* (Magtymguly).

**PÄHIMDAR** [pähimda:r], *syp., ser.* **Pähimli**. *Pähimdar adam.*

**PÄHIMDARLYK** [pähimda:rlyk], *at, ser.* Pähimlilik.

**PÄHIMLENMEK**, *işl.* Akylyňy durlap paýhaslanmak, pähim etmek, paýhaslanmak, oýlanmak.

**PÄHIMLI,** *syp.* Akyl ýetirýän, pähim edýän, paýhasly, pähimdar. *Mert oldur ki, bolsa köňli rehimli, Göwresi giň gerek, özi pähimli* (Magtymguly).

**PÄHIMLILIK**,*at.* Bir işi oýlanyp etmeklik, akyl ýetirmeklik, pähimli bolmaklyk, paýhaslylyk, pähimdarlyk.

**PÄHIM-PARASAT** [pähim-parasa:t], *at, ser.* **Pähim-paýhas**.*Ata-babalarymyzyň pähim-parasady.*

**PÄHIM-PAÝHAS**,*at, ser.* **Pähim**.

**PÄHIMSIZ**,*syp.* Oýlanyp iş etmeýän, pähim etmeýän, paýhassyz. *Pähimsiz adam.*

**PÄHIMSIZLIK**,*at.* Pähimi ýokluk, pähim etmezlik, paýhassyzlyk.

**PÄK** [pä:k], *syp.* **1**. Tämiz, päkize, arassa, dury, hapa bolmadyk. **2**. *göç.m.* Sap wyždanly, hoşniýetli, açyk göwünli.

**PÄK-ARASSA**[päğ-arassa], *syp.* Hemme tarapdan arassa. *Päk-arassa adam.*

**PÄKI** [pä:ki], *at.* Saç-sakgal syrmak üçin çakgy kysmy bir ýüzli ýiti gural. *Ol sakgalynyň aşagyny hem päki bilen syryşdyrdy* (A. Durdyýew).

◊ **Päki ýaly** örän ýiti, kesgir.

**PÄKIBAŞ** [pä:kivaş], *at.* "Aşgabat, Ahal" nusgaly tekegöl nagşy salnan halyda gölüň başlanýan we gutarýan ýerindäki açylan päki şekilli nagyş.

**PÄKILEME** [pä:kileme], *iş ady.* Päkilemek ýagdaýy.

**PÄKILEMEK** [pä:kilemek], *işl.* Päki bilen syrmak, päki bilen aýyrmak.

**PÄKILEMEKLIK** [pä:kilemeklik], *iş ady.* Päkilemek ýagdaýy.

**PÄKILENMEK** [pä:kilenmek], *işl.* Päki bilen syrylmak, päki bilen aýrylmak.

**PÄKILETMEK** [pä:kiletmek], *işl.* Päki bilen syrdyrmak, päki bilen aldyrmak, aýyrtmak (saç, sakgal hakynda).

**PÄKILEÝIŞ** [pä:kileýiş], *iş ady.* Päkilemek ýagdaýy.

**PÄKIZE** [pä:ki:ze], *syp*., **1**. Arassa, tämiz, hapa däl. **2**. Sap wyždanly, hoşniýetli, açyk göwünli.

**PÄKIZELEME** [pä:ki:zeleme], *iş ady*, *ser.* **Pakizleme**.

**PÄKIZELEMEK** [pä:ki:zelemek], *iş* **ady, ser. Pakizlemek.** *Olaryň üstüne päkizelenen çäýnekler bilen çaý çekildi* (N. Saryhanow).

**PÄKIZLEME** [pä:ki:zleme], *iş ady.* Päkizlemek ýagdaýy.

**PÄKIZLEMEK** [pä:ki:zlemek], *işl.* Päkiz etmek, arassalamak, tämizlemek.

**PÄKIZLEMEKLIK** [pä:ki:zlemeklik], *iş ady.* Päkizlemek ýagdaýy.

**PÄKIZLENMEK** [pä:ki:zlenmek], *işl.* Päkiz edilmek, arassalanmak, tämiz edilmek.

**PÄKIZLEŞMEK** [pä:ki:zleşmek], *işl.* Päkizlemäge kömekleşmek. *Gyzy ejesine çäýnek-käseleri päkizleşdi.*

**PÄKIZLETMEK** [pä:ki:zletmek], *işl.* Päkizlemek işini başga birine etdirmek.

**PÄKLEMEK** [pä:klemek], *işl.* Arassalamak. *Ýanymdan aýrylsa, ogluň ýoklar men, Gülap suwun berip, ýüzün päklär men* ("Saýatly – Hemra").

**PÄKLENMEK** [pä:klenmek], *işl.* Päkizlenmek.

**PÄKLETMEK** [pä:kletmek], *işl.* Päkizletmek.

**PÄKLIK** [pä:klik], *at, ser.* **Päkizlik**.

**PÄL** [pä:l], *at.* Adamyň hyýaly, maksady, niýet-pikiri. *Seniň päliň nedir, ne hyýaldadyr?* (Halk aýdymyndan).

◊ **Päl däldir1**) niýet däl, isleg däl. **2**) gabahat, gaty erbetlik. *Onuň ýüzüni görmegem päl däldir*. **Päli azan** erbet, bozuk pikirli, bozuk niýetli. *Päli azan tilki hinine bakyp uwlar* (Nakyl). **Päli bozuk** niýeti erbet, ters hyýala münen, ters ugra giden. **Päline jyzar bolmak** pälinden tapmak, eden ýaramaz işine görä jezasyny çekmek. **Päliňden el çekmek** *ser.* **Päliňden gaýtmak**. **Päliňden gaýtmak** edýän ters hereketiňden, niýet-hyýalyňdan dänmek, toba etmek, päliňden el çekmek.**Päliňden tapmak** niýetiňe görä erbetlige uçramak, ýamanlygyň üstünden barmak, päliňe görä tapmak. **Päliňe görä tapmak** *ser.* **Päliňden tapmak.Päli pes** bespäl, hoşniýetli, isleg-maksady arassa, adamkärçiligiň çäginden çykmaýan päk hyýally. **Päli ýaman** erbet niýetli, ýaramaz pikirli, betniýet, betpäl.*Buz üstünde tozan araýan päli ýamana bahana gerekdi* (A. Nazarow).

**PÄLE** [pä:le], *at, taryh.* Patyşa Russiýasy döwründe işçi batalýony görnüşinde uruş döwri üçin guralan iş. *Patyşa ýerli-ýerden tyl işine päle almaga başlady* (K. Işanow).

**PÄLEÇI** [pä:leçi],*at, taryh.* Pälä gidýän adam, pälede işleýän adam.

**PÄLEÇILIK** [pä:leçilik], *at, taryh, ser.* **Pälelik**. *Emma Gulman arçyn ol ikisini hem öz doganlarynyň ýerine päleçilige iberipdir* (A. Gowşudow).

**PÄLELIK** [pä:lelik], *at, taryh.* Päleçi, işçi bolup işlemeklik, päläniň ýagdaýy, päleçilik. *Ol bir ýyl ömrüni pälelikde geçirse, indi ýarym ýyl bäri dul gezip ýör* (B. Kerbabaýew).

**PÄL-NIÝET** [pä:l-niýet], *at, ser.* **Päl**.*Her kimiň päli-niýeti öz ýoldaşy bolsun* (Dileg).

**PÄLWAN** [pä:lwa:n] **I**, *at.* **1**. Göreş bilen meşgullanýan, göreş tutujy türgen. *Göreş köpe çekdi, pälwanlar ýadady* (Ç. Aşyrow). **2**. *göç.m.* Güýçli, daýaw, batyr, edermen, zor. *Pälwan syratly ýigidiň raýyny ýykmady* (H. Garabaýew). **3**. Oglana dakylýan at.

**PÄLWAN** [pä:lwa:n] **II**, *at.* Nawyň bogaldaklary dört tarapyndan berkidilýän urgan. *Pälwanlar seslenýär, üýrýär it ýaly, Şemal güýjäp ugran wagty mazaly* (Ş. Borjakow).

**PÄLWANÇYLYK** [pä:lwa:nçylyk], *at, ser.* **Pälwanlyk**.*Seniň pälwançylyk bilen işiň ýok ýaly-la?* ("Görogly").

**PÄLWANLYK** [pä:lwa:nlyk], *at.* Edermenlik, batyrlyk, işjeňlik, juda güýçlülik, zorluk. *Her ädimi edeňde, gudratyňy duýsunlar, Pälwanlykda kemi ýok, tüýs atasy diýsinler* (M. Seýidow).

**PÄSGEL** [pä:sğel], *at.* Ýerine ýetmeli bir hereketiň, işiň öňe gitmegine böwet bolýan kynçylyk, garşylyk, bökdençlik.

**PÄSGELÇILIK** [pä:sğelçilik], *at.* **1**. *ser.* **Päsgel**. **2**.Sportuň dürli görnüşlerinde: tebigy ýa-da emeli päsgelçilik desgasynyň üstünden badyňy gowşatman böküp, ylgap, ýöräp ýa-da çapyp geçmek.

**PÄSGELÇILIKLI** [pä:sğelçilikli], *syp.* Böwet bolýan, kynçylyk döredýän, päsgelçilik berýän.

**PÄSGELÇILIKSIZ** [pä:sğelçiliksiz], *syp.* Päsgelçiligi bolmadyk, bökdençsiz.

**PÄSGELSIZ** [pä:sğelsiz], *syp.* Garşylyksyz, bökdençsiz, kynçylyksyz, böwetsiz. *Päsgelsiz okap bilmek.*

**PÄÝENDEKI** [päýenneki], *at, ser.* **Paýendeki**.

**PÄÝNEK** [pä:ýnek], *at.* **1**. Pyçagyň, gylyjyň ujy deşmez ýaly gynyň ujuna berkidilýän galyň teletin ýa-da metal bölegi. *Günem lowurdadýar gyljyň päýnegin* (N. Pomma). **2**. *gepl.d.* Çäýnegiň jüründigininiň ujy döwlende, metaldan ýasalyp geýdirilýän jüründik.

**PIANINO** [piýani:no / piýany:na], *at.* Kirişleri dikligine çekdirilip dartylan, äpet gapyrjak görnüşli, barmaklar bilen basylyp çalynýan saz guraly.

**PIANINOÇY** [piýani:noçy / piýani:naçy], *at.* Pianino çalýan sazanda.

**PIDA** [pida:], *at.* Bir zat sebäpli ýa-da bir zat ugrunda gurban bolmaklyk, janyňy gurban etmeklik, ölüm.*Urşuň pidalary. Ýer titremesiniň pidalary. Adam pidalary bolan heläkçilik.*

◊ **Pida bolmak** janyňy gurban etmek, janyňy bermek, ölmek. **Pida etmek** biriniň ýa-da bir zadyň ugrunda öz janyňy gurban etmek, ömrüňi bagyşlamak.

**PIDE: pide bolmak** çüýräp owranmak, çüýräp gitmek, gurap owranmak, owranyp kül bolmak. *Ýandagy bassaň küde bolar, bedäni bassaň – pide* (Nakyl).

**PIDUL** [pidu:l], *at.* Içigara, içi ýaramaz pikirli adam. *Ol pidulyň kimdigini, Ahyry bildim mazaly* (Ç. Aşyrow).

**PIDULÇYLYK** [pidu:lçuluk], *at,ser.* **Pidullyk**.

**PIDULLYK** [pidu:lluk], *at.* Pidulyň käri, pişesi, arabozujylyk.

**PIKIR**, *at.* **1**. Adamyň akyl ýetiriş ukybynyň netijesi, jemi. **2**. Bir zada bolan garaýyş, nukdaýnazar, düşünje. *Beýle pikirler durmuşyň talaplaryna gabat gelmeýär* (N. Jumaýew). **3**. Bir zat hakynda peýda bolýan niýet, hyýal.

◊ **Pikir alyşmak** bir iş, mesele hakynda belli bir netijä gelmek maksady bilen özara maslahatlaşmak, bir mesele dogrusynda biri-biriňe pikiriňi aýtmak. **Pikir basmak** ýüze çykan aladalar basmarlamak. **Pikir bermek 1)** üns bermek; alada etmek. **2**) üns berip diňlemek, gulak asmak. **Pikir derýasyna gark bolmak** *ser.* **Pikire batmak**.– *Sözlesene, Berdi, meniň pikir derýasyna gark bolanym ýeterlik dälmi?* (H. Derýaýew). **Pikir derýasynda (kölünde) ýüzmek** çuň pikire gitmek, köp pikir etmek. **Pikire batmak** *ser.* **Pikire gitmek**. **Pikire batmak** çuňňur oýlanmak, oýa batyp pikirlenmek. *Ol agyr pikirlere batypdy* (B. Seýtäkow). **Pikire çümmek** *ser.* **Pikire batmak**. **Pikire gelmek** belli bir karara gelmek, belli bir netijä gelmek. **Pikire gitmek** çuň pikir edip, bir zada bar ünsüňi gönükdirmek, pikire çümmek, pikire batmak. *Meret çaýyny içip bolup, dikeldi-de, pikire gitdi* (A. Durdyýew). **Pikiri bölmek** ünsüňi başga bir ýaňa, başga tarapa sowmak. **Pikiriňi durlamak** paýhaslanyp başlamak, gowy akyl ýetirip başlamak, aýdyň pikirde bolmak. **Pikir ýöretmek** bir zat hakynda bir pikiri öňe sürmek. **Pikir ýumagyny çözlemek (çöşlemek)** ýadyňda galan zatlary ýaňadan paýhasdan geçirmek, ýatlamalara gümra bolmak, bir ýan ujundan aňyňdan geçirmek. *Ol bu baradaky pikir ýumagyny näçe çözlese-de, onuň soňuna çykyp bilenokdy* ("Edebiýat we sungat").

**PIKIRDEŞ**, *syp.* Pikirleri biri-biriniňkä meňzeş, bir pikirli, pikirleri deň gelýän.

**PIKIRDEŞLIK**, *at.* Biri bilen meňzeş pikirde bolmaklyk, pikirleri deň gelmeklik.

**PIKIR-HYÝAL** [pikir-hyýa:l], *at, ser.* **Pikir 3**. *Onuň endamynyň azarlarymy, ýaralarynyň azarlarymy ýa-da pikir-hyýal ony horlaýarmy, garaz, Gurduň gözüne uky gelmeýärdi* (A. Gowşudow).

**PIKIRI-ZIKIRI**, *at.* Bar pikiri, bar zikiri, ünsi, bar aladasy, küýi-köçesi. *Biziň pikirimiz-zikirimiz, işimiz-aladamyz, bütin ünsümiz gözel durmuşymyzy ýene-de gözellendirmek* (B. Kerbabaýew).

**PIKIRLENE-PIKIRLENE**, *hal.* Öwran-öwran pikirlenip, gaýta-gaýta pikir edip, oýlana-oýlana. *Pikirlene-pikirlene, ahyrynda: – Üçimiz hem bile gaçalyň! – diýipdirler* ("Türkmen halk ertekileri").

**PIKIRLENIŞMEK**,*işl.* Bir mesele hakynda pikir alyşmak. *Şo daşyň üstünde dyzyňy epäý, bileje pikirlenişeli* ("Edebiýat we sungat").

**PIKIRLENME**, *iş ady.* Pikirlenmek ýagdaýy.

**PIKIRLENMEK**, *işl.* Bir zat hakda oýlanmak, pikir öwürmek.

**PIKIRLENMEKLIK**, *iş ady.* Pikirlenmek ýagdaýy.

**PIKIRLENMEZLIK**, *işl.* Bir zat hakynda pikir etmezlik, oýlanmazlyk.

**PIKIRLI**, *syp.* **1**. Pikirlenip hereket edýän, akylly, düşünjeli. *Bu garyp hem gaty pikirli eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Aladaly, ünjüli. *Gözüniň gytagy bilen oglunyň azrak solgun, pikirli ýüzüne seretdi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Içi pikirli** köpbilmiş, mekir.

**PIKIRLILIK**, *at.* Pikirli halda bolmaklyk;düşünjelilik, paýhaslylyk.

**PIKIRSIZ**, *syp.* Pikiri bolmadyk, pikiri ýok. *Pikirsiz adam.*

**PIKIRSIZLIK**, *at.* Pikiri ýokluk, pikiri bolmazlyk.

**PIL**, *at.* **1**. Uzyn holtumly we iki sany uzyn gyýakly äpet süýdemdiriji haýwan. *Düýeden uly pil bar* (Nakyl). **2.** *küşt.* Küşt tagtasynda burçdan burça göçýän mal.

◊ **Piliň gulagynda uklamak** dünýäden bihabar galmak, töwerek-daşdaky wakalar hakda hiç zat bilmezlik. *Sakgaldaş, görýän weli, sen piliň gulagynda uklap galan bolara çemeli* (B. Seýtäkow).

**PIL** [pi:l], *at.* Ýer depmek ýa-da ýer gazmak üçin ulanylýan, demirden ýasalan ýasy, uzyn agaç saply gural.

◊ **Piliň gulagyndan çörek iýmek** daýhançylyk edip ýaşamak, ekerançylyk bilen meşgullanyp eklenmek. **Çepbekeý pil** *ser.* **Çepbekeý**. **Saglakaý pil** *ser.* **Saglakaý**.

**PILÇE** [pi:lçe], *at.* **1**. Kiçijik pil, kepje. **2**. *anat.* Goluň gutaran ýerindäki kiçijik pil görnüşli ýasy suňk.

**PILDAR** [pilla:r], *at, taryh.* Pil sürýän esger. *Dört müň pildary bar gala ýykardan* (Magtymguly).

**PILE** [pi:le], *at.* Ýüpek almak üçin ýörite saklanýan ýüpek gurçugynyň saraýan kiçijik ýumurtga şekilli önümi.

◊ **Pile saramak** ýüpegini öz daşyna orap başlamak (ýüpek gurçugy hakynda).

**PILEK**, *at.* **1**.El degirmeniniň bugdaý guýulýan deşiginiň içinde keseligine ýerleşýän, dänäni kadaly dökmek hem-de ýokarky daşy oka berkitmek üçin hyzmat edýän agaçjyk. **2**. Suw çiliminiň temmäki guýulýan, temmäki durýan ýeri.

**PILIK**, *at.* Suw çilimiň dykysy.

**PILIS**, *at.* Heň, zeň.

**PILISLEMEK**, *işl.* Heňlemek.

**PILISLI**, *syp.* Heňli.

**PILLE**, *at.* Bir zadyň bolup geçýän çagy, wagty, pursady, mütdeti. *Häli hem bir pille, eý adam ogly* (Magtymguly). *Şol pis ýagdaýyň öňüni almak üçin, şindiz hem bir pilledir* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ölüm pillesi tutmak** öljek bolup ýatmak. *Ol ölüm pillesi tutup ýatyrdy.*

**PINEK: pinek etmek** az wagt ymyzganmak, irkilmek, gözüň awusyny almak.

**PINEKLEMEK**, *işl.,* Keýpden ýaňa özüňi bilmän ýatmak, bihuş halda bolmak. *ser.* **Pinek etmek**.

**PIŇ: piňine däl** bir zadyň aladasyny etmeýär, haýsydyr bir zada biperwaý. *Bolşuň nähili, basym synaglar başlanýar, seniň bolsa piňiňe-de däl.*

**PIR** [pi:r], *at.* **1**. Garry, goja, ýaşuly. **2**. Sopularyň başlygy, ýolbaşçysy, ýokary dini at. *Her kim güýçli bolsa, oňa pir diýrler* (Magtymguly). **3**. *gepl.d.* Bir hünäriň, käriň düýbüni tutujy ussat, şol hünäri, käri belent derejä ýetiriji.

◊ **Pire gol bermek** sopy bolmak. **Pirini kädä gabamak** sypara ýer goýmazlyk.

**PIRIM**, *at.* Hile, aldaw.

**PIRIMÇI**, *at.* Hileçi, aldawçy, mekir, ýalançy, sapalakçy.

**PIRIMLI**, *syp.* Içi pikirli, sapalakçy, hilegär, mekir.

**PIRIMLILIK**, *at.* Içi pikirlilik, sapalakçylyk, hilegärlik, mekirlik. *Pirimlilik açyk göwünlilik däl.*

**PIRIMSIZ**, *syp.* Hilesiz, mekir däl.

**PIRIMSIZLIK**, *at.* Pirimli dällik, pirimi ýokluk.

**PIRLIK** [pi:rlik], *at.* Piriň ýagdaýy.

◊ **Pirlik satmak** her bir zady öňünden bilen bolmak, welilik satmak.

**PIS** [pi:s], *syp.* **1**. Myrtar, ýaramaz, erbet, ýaman. *Pis pisi tapar, suw – pesi* (Nakyl). **2**. *lukmanç.* Reňkleýji maddanyň ýetmezçilik etmegi sebäpli onuň käbir ýerleriniň agarmagy görnüşinde ýüze çykýan beden keseli.

◊ **Pis açmak** teniňi ak, ala edýän kesele duçar bolmak. **Pisiňi aşyryp ýörmek** piserilip ýörmek, gözden düşmek, ýigrenji görünmek.

**PISAT** [pisa:t], *syp., kön.s* .Myrtar, ýaramaz, erbet.

**PISINT,** *syp.* Daş görnüş, sypat, keşp. *Gaz pisint jisim.*

◊ **Pisindiň oturmak** bir zat göwnüňe jaý bolmak, pikiriňe dogry gelmek, maňzyňa batmak, birine göwnüň ýetmek. **Pisint etmezlik** biriniň bolşuna göwni ýetmezlik, biriniň bolşuny halamazlyk, äsgermezlik.

**PISINTLI**, *syp.* Sypatly, görnüşli, çalym edýän, çalymdaş. *Üç gerçegiň hersi Görogly pisintli ýigitlerdendi* ("Edebiýat we sungat").

**PISLEME** [pi:sleme], *iş ady.* Pislemek ýagdaýy.

**PISLEMEK** [pi:slemek], Näletlemek, masgaralamak, gowy görmezlik. *Eger şeýtse, elbetde, ol aýaly uly il pislär ahyry, çünki Gurt hem onuň üçin söweşdi* (A. Gowşudow).

**PISLEMEKLIK** [pi:slemeklik], *iş ady.* Pislemek ýagdaýy.

**PISLENMEK** [pi:slenmek], *işl.* Erbet görülmek, ýek görülmek, näletlenmek, masgaralanmak.

**PISLEŞMEK** [pi:sleşmek], *işl.* Öňkiňden pis, erbet, ýaman bolup başlamak. *Ol ozalkysyndan-da pisleşipdir.*

**PISLETMEK** [pi:sletmek], *işl.* Biriniň pislemegine ýol bermek, biriniň pislemegini gazanmak.

**PISLIK** [pi:slik], *at.* Pis häsiýetli bolmaklyk, erbetlik, ýaramazlyk, nejislik.

**PISSE**, *at.* **1**. Pisseler maşgalasyna degişli boýy 5-7 m. ýetýän, ýaýraň köp şahaly, üç bölekden ybarat ýumurtgapisint dykyz ýaprakly agaç ösümligi we onuň içi maňyzly, daşy gaty gabykly miwesi.

◊ **Pisse dahan** *(şahyr.)* pisse ýaly kiçi, gelşikli agyz. *Pisse dodak, inçe bil, alma ýaňakly söwdügim* (A. Salyh). **Pisse dodak** ýukajyk, kiçiden süýnmek dodak.

**PISSELIK,** *at.* Pisse agajynyň köp sanlysynyň gögerip oturan ýeri, pisse agajynyň köp biten ýeri.

◊ **Bir pisselik** ujypsyz, azajyk. *Bir pisselik peýdaň ýok.*

**PIŞ**,*üml.* Pişigi kowmak üçin aýdylýar.

**PIŞE** [pi:şe], *at, gepl.d.* Boş oturmaz ýaly, güýmener ýaly bir işjagaz.

◊ **Pişe etmek** bir iş bilen meşgullanmak.

**PIŞEK I**, *at.* Ýanlyk ýaýmak üçin atanak agaja dikleýin sap berkidilen gural. *Mama pişegini ýanlyga sokdy* (B. Kerbabaýew).

**PIŞEK II**, *at.* Aýagy maýyp, şikesli adamlaryň goltugynyň aşagyna direg, söýeg hökmünde ýöremek üçin ulanýan enjamy. *Şol barmana-da agramyny pişeklerine atyp, ýerinden turdy* (R. Gelenow).

**PIŞEKLEME**, *iş ady.* Pişeklemek ýagdaýy.

**PIŞEKLEMEK**, *işl.* Ýanlyk ýaýylanda, pişek urmak, pişek bilen ýanlyk ýaýmak.

**PIŞEKLENMEK**, *işl.* Pişek bilen ýaýylmak.

**PIŞEKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Pişekläp ýanlyk ýaýmaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup pişeklemek. *Iki sany daýaw aýal ertirden bäri ýanlyklaryny pişekleşip durdular*.

**PIŞEKLETMEK**, *işl.* Pişeklemek işini başga birine etdirmek, pişeklemäge mejbur etmek; pişeklemäge ýol bermek. *Seniň özüň ýaramasaň, ýanlygy kime pişekletjek? – Eje, ýanlygy maňa pişekledäý, başarmaz-a öýtme.*

**PIŞEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Pişeklemek ýagdaýy.

**PIŞEKLI**, *syp.* Pişege daýanyp ýöreýän. *Pişekli adam.*

**PIŞGE** [pişğe], *at.* Darakda daralyp, egirmäge taýýar edilip goýlan bir düýrüm ýüň .

◊ **Pişge murt** pezzerip duran murt. *Aly beg uzyn boýly, agaç etli, ullakan burunly, pişge murt adamdy* (A. Gowşudow).

**PIŞGELEME** [pişğeleme], *iş ady.* Pişgelemek ýagdaýy.

**PIŞGELEMEK** [pişğelemek], *işl.* Ýüňi darap, pişge görnüşine getirmek.

**PIŞGELEMEKLIK** [pişğelemeklik], *iş ady.* Pişgelemek ýagdaýy.

**PIŞGELENMEK** [pişğelenmek], *işl.* Pişge görnüşine getirilmek.

**PIŞGELEŞDIRMEK** [pişğeleşdirmek], *işl.* Daran ýüňlerini birnäçe pişge edip çykmak.

**PIŞGELEŞMEK** [pişğeleşmek], *işl.* Ýüňi darap, pişge etmäge kömekleşmek. *Daralan ýüňi pişgeleşmek.*

**PIŞGELETMEK** [pişğeletmek], *işl.* Pişgelemek işini başga birine etdirmek.

**PIŞIK,** *at.* Süýdemdirijiler maşgalasyndan bolan ýabany hem öýdeçi haýwan (ýolbars, gaplaň hem şol maşgala degişlidir). *Pişikler syçanlary, alakalary ýok edýär. Pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli* (Nakyl).

◊ **Pişik basyşyny etmek** emaý bilen daraklygyňa basyp, ýuwaşja ýöremek. **Pişik yzy** pişigiň yzyna meňzedilip, halynyň gyrasyna salynýan ownuk nagyş. **Pişik ýuwnuşyny etmek** el-ýüzüni çala öllemek, çalak-çulak ýuwunmak.

**PIŞIKDYRNAK**, *at.* Baldagy tikenli, gülläp, miweläp ösýän, boýy 30-40 *sm* ýetýän, köpýyllyk ýabany ösümlik.

**PIŞIKGUÝRUK**, *at.* Däneliler maşgalasyna degişli ýasy uzyn ýaprakly ösümligiň bir görnüşi.

**PIŞIM-PIŞIM** [pişim-pişim], *üml., ser.* **Piş-piş**.

**PIŞME**, *at.* **1**. Ýaýylan hamyrdan dürli görnüşde gytak dörtbuç kesilip, ýagda bişirilýän iýmit, bogursak. *Görsem ejem gazanyň başynda oturyp, pişme bişirýärdi* (R. Gelenow). **2**. Keçä salynýan pişmä kybapdaş bir gülüň ady. **3.** *zergärç*. Şaý-sepleriň ýüzüne salynýan nagyş ady.

**PIŞ-PIŞ** [piş-viş], *üml.* Pişigi çagyrmak üçin aýdylýar.

**PITI I**, *at.* Çoýundan, demirden, alýuminden ýasalan nahar bişirilýän agzy gapakly gap.

**PITI II**, *at, kön.s.* Nohut atylyp bişirilýän etli çorba. *Bir tabak piti getirip, oňa berdiler* (N. Saryhanow).

**PITIK I**, *at.* Başam barmagyň ujuny orta ýa-da süýem barmagyň ujuna diräp, barmaklary zarply açan ýagdaýyňda döreýän urgy.

**PITIK II**, *at.* Gapanyň keçesine berkidilýän iki-üç kertiklije kiçijik demir ýa-da agaç bölegi.

◊ **Pitige münmek** soňky hetde ýetmek, çözgüde ýakynlamak. *Gudalar arasyndaky gürrüň gutaryp, mesele ýokarky pitige mündi* (B. Kerbabaýew).

**PITIKLEME,** *iş ady.* Pitiklemek ýagdaýy.

**PITIKLEMEK,** *işl.* Pitik bilen kakmak, pitik bilen urmak.

◊ **Pitikläp almak** köp zadyň içinden iň gowusyny saýlap almak.

**PITIKLEMEKLIK,** *iş ady.* Pitiklemek ýagdaýy.

**PITIKLENMEK,** *işl.* Pitik bilen urulmak, pitik bilen kakylmak. *Ol ertesi irden ýaňagynyň ýuwaşjadan pitiklenmegine oýandy* (B. Soltannyýazow).

**PITIKLEŞDIRMEK,** *işl.* Pitikläp çykmak, yzly-yzyna pitikläp görmek.

**PITIKLEŞMEK,** *işl.* Biri-biriňi pitiklemek.

**PITIKLETDIRMEK,** *işl., ser.* **Pitikletmek**.

**PITIKLETMEK,** *işl.* Pitiklemek hereketini birine etdirmek, biriniň pitiklemegine ýol bermek. *Näme, ondan çekinýäňmi, ýöne maňlaýyňa pitikledip dursuň?!*

**PITIKLEÝIŞ,** *iş ady.* Pitiklemek ýagdaýy.

**PITIRDEMEK,** *işl.* Çüýremek, könelmek netijesinde owranmak, tüýdülmek (mata we ş.m. hakynda). *Ol ýama-da tutanok, tutan ýeriň pitirdäp barýar* (B. Kerbabaýew).

**PITIWA** [pitiwa:]: **pitiwa etmezlik** biriniň haýsydyr bir hereketine, işine we ş.m. göwni ýetmän, oňa ähmiýet bermezlik. *Ol bu gürrüňlere çigit ýalyjagam pitiwa etmedi.*

**PITJIŇ:** **pitjiň atmak** birine göwnüň ýetmän, äsgermezçilik edip, gyşyk sözler aýtmak, jort atmak.

**PITNE,** *at.* Döwlet häkimiýetine garşy dildüwşükli ýaragly çykyş, gozgalaň.

**PITRE** [pitire], *at.* Yslam dini boýunça baş saglygy üçin mätäçlere berilýän belli bir möçberdäki bugdaý ýa-da berilýän bugdaýyň bahasyna barabar pul we ş.m.

**POÇTA** [po:çta/po:çuto], *at.* **1**. Iberilýän hatlary, puly we ş.m. ýollaýan hem-de almaly adamsyna gowşurýan edara. **2**. Şol edaranyň gowşurýan hatlary we beýleki zatlary.

**POEMA** [poýe:ma], *at, edeb.* Şygyr bilen ýazylan iri göwrümli eser. *Şeýdaýynyň "Oguzhan" poemasy.*

**POL** [po:l], *at.* Tamyň, jaýlaryň içine ýere ýazylýan dürli görnüşli düşeklik (tagta, parket, laminat, kafel, guýma düşek).

**POLA** [po:lo], *syp., gepl.d.* Goram-gowşak, gowuşgynsyz (çaga hakynda).

**POLAT** [polot],*at.* **1**. Uglerodyň belli bir mukdarynyň demir bilen birleşmeginden emele gelen kümüşsöw reňkli metal. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Polady berk adam** süňňi sagat, bedeni berk adam. **Polady ýumşak adam** örän mylaýym, ýakymly adam. *Ol polady ýumşak, süýji dilli adamdy.*

**POLISIÝA** [poli:siýa], *at.* Jemgyýetçilik tertibini goramak we jenaýatçylyga garşy göreşmek boýunça döwlet gullugy.

**POLÝUS** [po:lýus]: **geografik polýuslar (Demirgazyk we Günorta)** Ýeriň we ýeriň üstüniň aýlanýan hyýaly okunyň kesişýän nokady. *Demirgazyk polýusy. Günorta polýusy. Geografik polýuslar.*

**POLÝAK** [polýa:k], *ser.* **Polýaklar**.

**POLÝAKLAR** [polýa:klar], *at.* Polşanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**POMIDOR** [pamado:r], *at.* Birýyllyk gök ekin hem-de onuň dürli reňkdäki (gyzyl, sary, gök we ş.m.) we ululykdaky hasyly. *Näzik eje bir tabak gowurma, bir jamda dogralan pomidor, sogan, ýene bir tabakda hem üzüm getirişdirip goýdy* (A. Gowşudow).

**POPUŞ**, *syp.* Pökgi, etlek, semiz (ýüz hakynda). *Gajar onuň popuş gyzyl ýüzüne müňkür seredip: – Ugruňyz nirä?– diýdi* (N. Jumaýew).

**PORHAN** [porha:n], *at.* Dürli hereketler bilen adama täsir edip, kesel bejerýän adam.

◊ **Däli porhan bolmak** bir zadyň täsiri netijesinde gaty şatlanyp, çendenaşa gaty gürläp hem gülüp oturmak.

**PORHANÇYLYK** [porha:nçylyk], *at, kön.s.* Dürli jadygöýlik bilen kesel bejermeklik, porhanlyk.

**PORHANLYK** [porha:nlyk], *at, ser.* **Porhançylyk**.

**PORRUK** , *at.* **1**. Sogan düýp urup başlandan soň, onuň ortasyndan turbajyk şekilli ösüp çykýan hem-de tohum berýän gaty ýaşy, baldagy, sokarryk. **2**. Ýegen ösümliginiň köki. **3.** Gamşyň köki. **4.** Çüýrük, boş, ýeňil, pak.

**PORRUKLAMA** [porruklomo], *iş ady.* Porruklamak ýagdaýy.

**PORRUKLAMAK** [porruklomok], *işl.* Sogan ýetişiberende ýaşlarynyň ortasynda baldak görnüşli porruk emele gelmek, sokarryk çykarmak (sogan hakynda). *Belki, olar soganlaryň porruklamagyna garaşýandyrlar* ("Edebiýat we sungat").

**PORRUKLATMAK** [porruklotmok], *işl.* Porruk emele getirtmek, porruk çykarmagyna mümkinçilik bermek. *Soganlary ýygman porrukladypsyňyz.*

**PORS: pors atmak** gopbamsyramak, hondanbärsi bolup gomparmak. *Ylýas gaýşarylyp, "Gör, men nähili ýigit" diýip, pors atýan ýaly, gülümsiräp durdy* (G. Kulyýew).

**PORSAMAK** [porsomok], *işl.* **1**. Ynjap, zaýalanyp, ýakymsyz ys çykmak, yslanmak (esasan, et, balyk we ş.m. hakynda). 2. *gepl.d.*Birine paýyş, sögünç söz aýtmak, sögmek. *Özüňçe görmän, üstüne porsap durma*.

**PORSAŇŇYZA** [porsoňňuzo], *at.* **1**. Ösümlikleriň saýawan güllüler maşgalasynyň çomuçlar urugyna degişli bir görnüşi. **2**. Şol ösümligiň şiresinden alynýan we derman hökmünde peýdalanylýan şepbigi.

**PORSAŞMAK** [porsoşmok], *işl.* **1**. Zaýalanyp, ynjap yslanyşyp ýatmak, aňkaşmak (köp zat hakynda). **2**. *göç.m.* Biri-biriňe paýyş, hapa söz aýtmak.

**PORSATDYRMAK** [porsotdurmok], *işl., ser.* **Porsatmak**.

**PORSATMAK** [porsotmok], *işl.* Zaýalanyp ýakymsyz yslandyrmak, ynjatmak, harap edip, erbet yslandyrmak. *Eti porsatmak.*

**PORSUDERMAN** [porsuderma:n], *at.* Tehnikada ulanylýan hem-de ýüň matalara, sütükli derilere güýe düşmezlik üçin sepilýän ýiti ysly jisim, naftalin. *Gyş geýimlerine porsuderman sepip goýmak.*

**PORSUJA** [porsujo], *at.* **1**. Ownuk ýumşak ýaprakly, sary gülli dik ösýän porsy ot. **2**. Adamyň dişiniň düýbünden, goýnuň syňragynyň arasyndan dömüp çykýan gabarçakly ýara.

**PORSUKERT**, *at.* Boýy 30-50 santimetre ýetýän köpýyllyk ýarym gyrymsy ösümlik.

**PORSULYK** [porsuluk], *at.* Ýakymsyz yslylyk, ynjamak sebäpli erbet ysy barlyk.

**PORSY**, *syp.* Ýakymsyz ýiti ysly, ynjap erbet ys berýän, aňkap duran. *Pişik agzy ýetmedigine porsy diýer* (Nakyl).

**PORT I**, *syp.* Berk däl, çydamsyz, ýolnup, üzülip, döwlüp duran, çüýräp başlan. *Alma agajy port bolýar* (K. Jumaýew).

**PORT II**, *at.* Gämilere ýük urulýan, ýük düşürilýän, olar bejerilýän ýörite abzallaşdyrylan ýer, gämi duralgasy.

**PORTLAWUK** [portlowuk], *at.* Ýasy, tegelegräk ýaprakly ot.

**PORTUGAL** [portuğa:l], *at*, *ser.* **Portugallar**. *Portugal halky. Portugal dili.*

**PORTUGALLAR** [portuğa:llar], *at.* Portugaliýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**POS**, *at.* Demre kislorodyň täsir etmegi netijesinde onuň ýüzünde emele gelýän we iýlip gitmegine sebäp bolýan gyzylymtyl-goňur gatlak, pilis. *Pos aýyrýan suwuklyk.*

◊ **Pos bolmak** ähli zatlary ýüregiňe almak, içiňe salmak, bütin duýgularyňy gizlemek, islendik bir zat hakynda pikiriňi aýtmazlyk. **Ýüregiň posuny dökmek** ynanyşyp ýüregiňdäki zatlaryň baryny aýtmak, ähli duýgularyňy beýan etmek, bir zat hakynda pikiriňi doly aýtmak.

**POSA** [po:so], *at.* Birini ýa-da bir zady söýýändigiňi, gowy görýändigiňi aňlatmak üçin, köplenç, ýüz-gözüne dodagyňy degirmeklik. *Sözlegen sözleri misli bal kimin, Ýaňagyndan posa alasyň geler* (Magtymguly). *Bir posa talap kyldym, "Lazymdyr ölüm" diýdi* (Mollanepes).

**POSALAK** [posolok], *syp.* Etli-ganly, näzik, akja, gelşikli (çaga hakynda). *Ak posalak oglanjyk.*

**POSLAMA** [poslomo], *iş ady.* Poslamak ýagdaýy.

**POSLAMAK** [poslomok], *işl.* Ýüzüni pos basmak, pos bilen örtülmek. *Bu demir poslapdyr.*

**POSLAMAKLYK** [poslomokluk], *iş ady.* Poslamak ýagdaýy.

**POSLAŞMAK** [posloşmok], *işl.* Birnäçe demir bölegi we demirden ýasalan zatlar poslamak. *Poslaşyp ýatan demirler ony görende, edil Dawut pygamberi gören ýalydy* (N. Pomma).

**POSLATMAK** [poslotmok], *işl.* Poslamak derejesine ýetirmek, poslamagyna ýol bermek. *Piliňi hara saklap, gaty posladypsyň.*

**POSLAÝYŞ** [posloýuş], *iş ady.* Poslamak ýagdaýy.

**POSLULYK** [posluluk], *at* Posy barlyk, posly bolmaklyk.

**POSLY**, *syp.* Ýüzüni pos basan, ýüzi pos bilen örtülen. *Ýerde ýatan ...posly demirlere gözüni gezdirmäge başlady* (A. Durdyýew).

**POSSUK**, *at.* **1**. Aldyrylmadyk hamyrdan sozulyp, ýagda bişirilýän tegelek görnüşli iýmit, byzmyk. *Ýoldaşy: – Ejeň possuk bişirip berer weli, sen oňa: "Eje, şunuň ýanynda üç bajym hem bolan bolsady, onda gaty gowy bolardy diý!" – diýipdir* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Possuk ýaly** ýumşak, myssyk.

**POSSUN**, *at.* Goýun dersinden ýüň tarapy içine edilip tikilýän daşky eşik, içmek. *Ýalaňajy ursaň, possunly gorkar* (Nakyl).

**POSSUNÇY**, *at.* Possun tikmek bilen meşgullanýan adam, içmek ussasy, içmekçi.

**POSSUNLYK** [possunluk], *syp.* Possun etmek üçin niýetlenen. *Bir possunlyk deri.*

**POSSUZ**, *syp.* Ýüzüni pos basmadyk, ýüzi pos bilen örtülmedik, poslamadyk.

**POŞŞUBAŞY** [po:şşuvaşy], *at, taryh.* 1917-nji ýyldan öň türkmenlerde atly goşunyň başlygy.

**POŞŞUÇYLYK** [po:şşuçuluk], *at, taryh, ser.* **Poşşulyk**.

**POŞŞULYK** [po:şşuluk], *at, taryh.* Poşşy bolup gulluk etmeklik, poşşynyň ýagdaýy.

**POŞŞY** [po:şşy], *at, taryh.* 1917-nji ýyldan öň türkmenlerde atly goşunda gulluk eden jigit, esger. *Pökgen poşşy bolup köp ýyl gulluk etdi* (A. Gowşudow).

**POTRAT** [poturot], *at.* Borçnama boýunça kesgitli töleg bilen ýerine ýetirilýän iş.

**POTRATÇY** [poturotçy], *at.* Potratyna iş alyp işleýän ýa-da bir işi belli bir haka gepleşip, ýerine ýetirýän adam.

**POTRATÇYLYK** [poturotçuluk], *at.* Potratyna iş alyp işlemeklik.

**POWEST** [po:vest], *at.* Kyssa bilen ýazylan edebi eseriň bir görnüşi. *Powest ýazmak üçin, elbetde, ýazyjynyň belli derejede durmuş tejribesi, ýazyjylyk endigi bolmaly* (N. Pomma).

**POZZAM** [pozzom], *at.* Telpek we ş.m. depilip, urlup oýnalýan oýun we şol oýnuň ady. *Men bular bilen pozzam oýnajak däl ahyry* ("Görogly").

◊ **Pozzam telpek** gyýkyndyk deriden tikilen gurnama telpek. *Birden öýüň ýeňsesinden pozzam telpek, mele göz, gap-gara adam gelip, Alymuhammede salam berdi* (B. Soltannyýazow).

**PÖK**, *s.ş.aňl.söz.* Ýumşak ýere gatyrak zat batly urlanda çykýan ses.

**PÖKGERILMEK** [pökgörülmök], *işl.* Pökgerilip durmak, çişip durmak.

**PÖKGERIŞMEK** [pökgörüşmök] *işl.* Pökgerilişip durmak, çişişip durmak.

**PÖKGERME** [pökgörmö], *iş ady.* Pökgermek ýagdaýy.

**PÖKGERMEK** [pökgörmök], *işl.* **1**. Näsaglyk zerarly ýellenip çişmek, çişip gübermek, ýellenmek. *Onuň gabaklary pökgerip, ýüzi ýellenip durdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zadyň içi başga zatdan dolmak (ýel, iýilýän we ş.m. zatlar bilen). *Çaganyň garynjygy pökgerip dur*. **3**. Garny ýognamak, garyn salmak. **4**. *göç.m.* Çişip ölmek, ýogalmak. *Göjele iýen it ýaly birden pökgeräýmesem-de biri!* (N. Pomma).

**PÖKGERMEKLIK** [pökgörmöklük], *iş ady.* Pökgermek ýagdaýy.

**PÖKGERTDIRMEK** [pökgörtdürmök], *işl., ser.* **Pökgertmek**.

**PÖKGERTMEK** [pökgörtmök], *işl.* **1**. Çiş emele getirtmek, çişirmek. *Ary çakan ýerini pökgertdi.* **2**. Gübertmek, pökgi etmek. **3**. *göç.m.* Ýaşaýyşdan mahrum etmek, öldürmek. – *Edil genderewden doýan mal ýaly pökgerdäýýär – diýdi* (N. Pomma).

**PÖKGI** [pökgü] **I**, *at.* Çagalar oýnar ýaly ýa-da ýörite sport oýunlarynda oýnamak üçin içine ýel berlen we zyňlanda, depilende, böküp-böküp gidýän şar görnüşli, rezinden edilýän top.

**PÖKGI** [pökgü] **II**, *syp.* **1**. Güberip duran, çişen, güberçek. **2**. Çişik, ýogyn, semiz. *Pökgi adam.*

**PÖKGÜLDEMEK** [pokgüllömök], *işl.* Pök-pök etmek, pökgüldili ses döremek.

**PÖKGÜLDEŞMEK** [pökgüllöşmök], *işl.* Pök-pök edişmek, pökgüldili ses emele getirişmek, pökgüldeşip seslenişmek.

**PÖKGÜLDETMEK** [pökgüllötmök], *işl.* Pök-pök etdirmek, pökgüldili ses emele getirmek, döretmek.

**PÖKGÜLIK** [pökgülük], *at.* Çişiklik, ýogynlyk, semizlik.

**PÖK-PÖK**, *s.ş.aňl.söz.* Ýumşak ýere gatyrak zat yzly-yzyna urlanda çykýan sesler. *Alan hamyryň üstünden el bilen urlanda, pök-pök edýär.*

**PÖKÜRDEME** [pökürdömö], *iş ady.* Pökürdemek ýagdaýy.

**PÖKÜRDEMEK** [pökürdömök], *işl., gepl.d.* Gury, boş, biderek gürlemek, ýaňramak, lakgyldamak. *Pökürdäp irizmek.*

**PÖKÜRDEMEKLIK** [pökürdömöklük], *iş ady.* Pökürdemek ýagdaýy.

**PÖKÜRDEŞMEK** [pökürdöşmök], *işl., gelp. d.* Birnäçe bolup pökürdemek, ýaňramak, lakgyldamak.

**PÖKÜRDETMEK** [pökürdötmök], *işl., gelp. d.* Biriniň pökürdemegine ýol bermek, biderek gürletmek, ýaňratmak, lakgyldatmak.

**PÖKÜRDEÝIŞ** [pökürdöýüş], *iş ady.* Pökürdemek ýagdaýy.

**PÖKÜRDI** [pökürdü], *at, gelp. d.* Biderek boş gürrüň. *Ertirden bäri onuň pökürdisi tükenmedi.*

**PÖKÜR-PÖKÜR: pökür-pökür etmek** *ser.* **Pökürdemek**.

**PÖRSÜLDEMEK** [pörsüllömök], *isl., ser.* **Pösürdemek**. *Elinden iňňe pörsüldäp geçipdir.*

**PÖSÜRDEME** [pösürdömö], *iş ady.* Pösürdemek ýagdaýy.

**PÖSÜRDEMEK** [pösürdömök], *işl.* Çiş,temen ýaly ujy ýiti zatlar ýumşak zada çümdürilende pösürdili ses çykmak.

**PÖSÜRDETMEK** [pösürdötmök], *işl.* Pösürdili ses çykartmak.

**PÖSÜRDEÝIŞ** [pösürdöýüş], *iş ady.* Pösürdemek ýagdaýy.

**PÖSÜRDI** [pösürdü], *at.* Çiş ýaly ujy ýiti zatlar ýumşak zada çümdürilende we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady.

**PÖSÜRT**, *s.ş.aňl.söz, ser.* Çiş ýaly ujy ýiti zatlar ýumşak zada çümdürilende çykýan ses. *Pösürt etmek.*

**PÖT**, *s.ş.aňl.söz, ser.* **Pat**.

**PÖTLEME** [pötülömö], *iş ady.* Pötlemek ýagdaýy.

**PÖTLEMEK** [pötülömök], *işl., gepl.d., ser.* **Patlamak**. *Pökgi onuň arkasyna pötläp degdi.*

**PÖTLETMEK** [pötülötmök], *işl., gepl.d., ser.* **Patlatmak**. *Pötledip urmak.*

**PÖTLEÝIŞ** [pötülöýüş], *iş ady.* Pötlemek ýagdaýy.

**PÖWHE** [pöwhö], *syp.* **1**. Başarnyksyz, tagaşyksyz, iş oňarmaýan adam. **2**. Boş, biderek.

**PÖWHELIK** [pöwhölük], *at.* Gabarasy uly bolup, elinden iş gelmezlik, başarnyksyzlyk, tagaşyksyzlyk, iş oňarmazlyk.

**PÖWH-PÖWH: pöwh-pöwh etmek** *ser.* **Pöwhüldemek 1**.

**PÖWHÜLDEME** [pöwhüllömö], *iş ady.* Pöwhüldemek ýagdaýy.

**PÖWHÜLDEMEK** [pöwhüllömök], *işl.* **1**. Pöwhüldili ses etmek, gürpüldili ses çykmak (alan hamyr hakynda). **2**. Boş-boş gürlemek, uly-uly geplemek.

**PÖWHÜLDEMEZLIK** [pöwhüllömözlük], *iş ady.* Pöwhüldäp ses çykmazlyk.

**PÖWHÜLDEŞMEK** [pöwhüllöşmök], *işl.* Pöwhüldili seslenişmek.

**PÖWHÜLDETMEK** [pöwhüllötmök], *işl.* Pöwhüldili ses çykarmak. *Jeren görse, guş görse, Pöwhüldedip atardy* (M. Myşşyýew).

**PÖWHÜLDI** [pöwhüllü], *at.* **1**. Tüpeň atylmak, suwa agyr, uly zat gaçmak netijesinde döreýän pagşyldyly, güwwüldili sesiň ady. **2**. Boş-boş gürrüň.

**PÖWRIZE** [pöwrüýzö], *at.* Daşyň ýaşyna görä gögümtil reňkden açyk ýaşyl reňk aralygyndaky orta gymmat bahaly daş. – *Meňli, men saňa pöwrize gaşly, kökenli ýüzük ýasap getirdim – diýip, şahyr gyrmyzy donuňyň goltugyndan ýüzüne gyzyl çaýylan kökenli ýüzük çykardy* (T. Taganow).

**PRAKTIKA** [pra:ktika], *at.* **1**. Önümçilik işiniň dowamynda tebigaty we jemgyýetçilik aragatnaşygyny üýtgetmeklik, bir zady amala aşyrmaklyk üçin alnyp barylýan iş. **2**. Bir işiň ýerine ýetiriliş usullarynyň, endikleriniň, adaty tärleriniň jemi, tejribesi. **3**. Nazary ýol bilen alynan bilimleri iş ýüzünde peýdalanmaklyk, berkitmeklik.

**PRAKTIKI** [pra:ktiki], *syp.* **1**. Praktika degişli bolan, praktika esaslanýan. **2**. Praktika üçin zerur bolan.

**PREZIDENT** [prezide:nt], *at.* **1**. Türkmenistanda Prezident döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany. **2**. Respublika gurluşly ýurtlarda belli bir döwre saýlanýan döwlet ýolbaşçysy. **3**. Käbir jemgyýetçilik we ylmy edaradyr guramalaryň saýlawly ýolbaşçysy, başlygy. *Ýaponiýaly myhmanlar Türkmenistanyň Prezidentini bu hormatly sylag bilen gutlap, türkmen Liderine Federasiýanyň prezidenti Sasagawa Takaşiniň goly bilen tassyklanan degişli sertifikaty we ýörite kimonony gowşurdylar* ("Türkmen dünýäsi")

**PREZIDENTLIK** [prezide:ntlik], *at.* Prezidentiň wezipesi, käri.

**PROFESSOR** [profe:ssor], *at.* Ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna, ylmy guramalaryň işgärlerine şol edaralaryň alymlar (ylmy-tehniki) geňeşleriniň beren attestasiýa resminamalary boýunça berilýän ýokary alymlyk ady.

**PROFESSORLYK** [profe:ssorluk], *at.* Professoryň käri, wezipesi we ady.

**PROGRAMMA** [pyrağyra:mma], *at. ser.* **Maksatnama**. **2**. Hasaplaýyş maşynlarynyň ýa-da ýörite programma arkaly işleýan mehanizmleriň hereketini üpjün edýän meýilnama, ýumuş; şeýle meýilnamanyň, ýumşuň ýerine ýetirilişiniň ýörite dilde ýazylan beýany.

**PROGRES** [proğre:s], *at.* Osüşiň has ýokary basgançagyna geçiş, gowulyga tarap özgerme, täze, öňdebaryjy zatlaryň ösüşi. – *Sport – munuň özi gujur-gaýratyň, gözelligiň, sagdynlygyň we progresiň belentliklerine tarap ymtylyşyň janly beýanydyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow).

**PROGRESSIW** [proğre:ssiw], *syp.* **1**. Güýçli depginde ösýän, öňe gidişli ösüşi amala aşyrýan, şoňa ýetmäge çalyşýan. **2**. Ösüşe, öňdebaryjylyga ymtylýan, kem-kemden güýçlenýän, ýuwaş-ýuwaşdan ösýän, köpelýän, öňe gidişli.

**PROKURATURA** [purokuratu:ra], *at.* Kanunlaryň dogry berjaý edilişine gözegçilik edýän döwlet guramasy.

**PROKUROR** [purokuro:r / pürküro:r], *at.* **1**. Kanunlaryň dogry ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligini edýän wezipeli adam. **2**. Kazyýetde işe seredilýän döwürde işi kanuny esasda ýerine ýetirýän hünärmen.

**PROREKTOR** [purore:ktor], *at.* Rektoryň orunbasary. *Okuw bölümi boýunça prorektor.*

**PROSENT** [pyrase:nt /*gepl.d.* piresent], *at.* **1**. Bitewi hökmünde kabul edilýän sanyň ýüzden bir ülüşi (% belgisi bilen aňladylýar). **2**. Birlik hökmünde kabul edilen hasydyr bir zadyň ýüzden bir ülüşlerinde ölçelýän mukdar. *Girdejiniň 100 prosenti.*

**PROSES** [pyrase:s], *at.* Belli bir netije almaga gönükdirilen hereketleriň jemi. *Okuw-terbiýeçilik prosesi. Önümçilik prosesi. Tehnologik proses.*

**PROZA** [puro:zo]*at, edeb.* Şygyr bilen däl-de, gürrüň, kyssa görnüşinde ýazylýan eser.

**PUBLISIST** [publisi:st] *at.* Publisistik makala, eser ýazýan ýazyjy.

**PUBLISISTIKA** [publisi:stika] *at, edeb.* Çeper edebiýatyň bir görnüşi bolup, jemgyýetiň gündelik durmuşynyň wakalaryna, hadysalaryna işjeň seslenýän žanr (onuň makala, oçerk, pamflet, feleton görnüşleri bolýar).

**PUÇ** [pu:ç], *syp.* Biderek, boş, ugursyz, hiç zat. *Al gerek bolsa! Onda, mundan öňki sözleriň bary puç-da?!* (B. Kerbabaýew).

◊ **Puç bolmak** biderek bolmak, netijesiz bolmak. *Senden edýän tamalarym puç bolmady* (B. Japarow). **Puja çykmak** *ser.* **Puç bolmak**.

**PUÇLAMAK** [pu:şlomok], *işl.* "Ýüzük" oýnunda "sen boş" diýip aýtmak, puç etmek. *Meni puçlasaň, edil agzyňa zäk atylan ýaly ederi*n (B. Kerbabaýew).

**PUÇLANMAK** [pu:şlonmok], *işl.* Puç bilinmek, hasapdan çykarylmak, boş hasaplanmak.

**PUÇLATMAK** [pu:şlotmok], *işl.* Puç etdirmek, boş hasaplatmak.

**PUÇLUK** [pu:şluk], *at.* Bidereklik, boşluk. *Wadasynyň puçlugyny bildik.*

**PUDAK** [pu:dok], *at.* **1**. Ösümligiň, agajyň owunjak pürli şahasy, baldagy, çybyk. **2**. Bir işiň, ylmyň, önümçiligiň aýratyn bir ugry. **3**. Keçäniň arka ýüzüne basylýan ýaprakly çybyk şekilli nagyş. **4**. Oglana dakylýan at.

**PUDAKLAMA** [pu:doklomo], *iş ady.* Pudaklamak ýagdaýy.

**PUDAKLAMAK** [pu:doklomok], *işl.* Pudak çykaryp başlamak, pudak ösüp başlamak.

**PUDAKLAÝYN** [pu:dokloýun], *hal.* Pudaklar, ugurlar boýunça.

**PUDAKLAÝYŞ** [pu:dokloýuş], *iş ady.* Pudaklamak ýagdaýy.

**PUDALMAK** [pu:dolmok], *işl.* Pudaklary kesilip ýylmalmak, pudaklary çapyşdyrylyp aýrylmak, çapylmak. *Onuň diňe başyndaky topbaja pudagyndan başga şahalary pudalan bolmaga çemeli, ol goýy gara dumanyň arasynda käbir wagt salgym atyp görünýärdi* (A. Gowşudow).

**PUDAMA** [pu:domo], *iş ady.* Pudamak ýagdaýy.

**PUDAMAK** [pu:domok], *işl.* Artyk pudaklaryny kesip ýylmamak, pudaklaryny çapyp aýyrmak. *Göýä gurçuk üçin pudalan tuduň, Kellesi ýalydy ýumrugnyň hersi* (K. Gurbannepesow).

**PUDAMAKLYK** [pu:domokluk], *iş ady.* Pudamak ýagdaýy.

**PUDARLAMA** [pu:dorlomo], *iş ady.* Pudarlamak ýagdaýy.

**PUDARLAMAK** [pu:dorlomok], *işl.* Bölek-bölek edip kesmek, böleklere bölüşdirmek (et hakynda). *Kerim ýeňini çermäp, bir salymyň içinde goýny pudarlady* (Ý. Mämmediýew).

**PUDARLAMAKLYK** [pu:dorlomokluk], *iş ady.* Pudarlamak ýagdaýy.

**PUDARLANMAK** [pu:dorlonmok], *işl.* Bölek-bölek edilip kesilmek, böleklenmek. *Goýnuň eti pudarlanyp, ýüpden asyldy* ("Edebiýat we sungat").

**PUDARLAŞDYRMAK** [pu:dorloşdurmok], *işl.* Pudarlap çykmak (et hakynda).

**PUDARLAŞMAK** [pu:dorloşmok], *işl.* **1**. Pudarlamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde pudarlamak. *Adamlar öldürilen sygryň etini pudarlaşyp otyrdylar*.

**PUDARLATMAK** [pu:dorlotmok], *işl.* Pudarlamak işini başga birine etdirmek.

**PUDARLAÝYŞ** [pu:dorloýuş], *iş ady.* Pudarlamak ýagdaýy.

**PUDAŞMAK** [pu:doşmok], *işl.* **1**. Pudamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup pudamak. *Adamlar ýoluň gyrasyndaky agaçlary pudaşyp ýör.*

**PUDATMAK** [pu:dotmok], *işl.* Pudamak işini başga birine etdirmek, ýylmatmak. *Bu giden bagy kime pudatsam diýýäň?*

**PUDAÝYŞ** [pu:doýuş], *iş ady.* Pudamak ýagdaýy.

**PUDRA** [pu:dra], *at.* Kosmetikada ýüze çalmak üçin giňden ulanylýan un görnüşindäki hoşboý ysly gözellik serişdesi.

**PUDRALAMAK** [pu:drolomok], *işl.*Pudra çalmak.

**PUGTA** [puğto], *syp.* **1**. Mäkäm, berk, ykjam. *Onuň ellerinden pugta tutup, owadan gözlerini äriniň gözüne dikdi* (B. Seýtäkow). **2**. Berk, gowy, mazaly, oňat, doly. *Aýdanlarymy pugta ýadyňda sakla*. **3**. Özüne bek, etjegini bilýän. *Ol gaty pugta adamdyr.*

**PUGTALAMA** [puğtolomo], *iş ady.* Pugtalamak ýagdaýy.

**PUGTALAMAK** [puğtolomok], *işl.* **1**. Mäkämlemek, berkitmek, berkleşdirmek, pugta etmek. **2**. Geplemeli, geplemesiz, etmeli, etmesiz zatlary gulagyna guýup, öz diýşiň ýaly etmelidigini duýdurmak, agzyna berk bolmagyny tabşyrmak, berklemek. *Ýoldaşyňy pugtalaweri, ýogsam aýtmasyz zatlary aýdybermesi bardyr.*

**PUGTALAMAKLYK** [puğtolomokluk], *iş ady.* Pugtalamak ýagdaýy.

**PUGTALANDYRMAK** [puğtolonnurmok], *işl.* Mäkämleşdirmek, berkleşdirmek.

**PUGTALANMAK** [puğtolonmok], *işl.* **1**. Has mäkäm edilmek, berkidilmek. **2**. Has mäkäm bolmak, berkemek.

**PUGTALATMAK** [puğtolotmok], *işl.* Pugtalamagy başga birine etdirmek, mäkämletmek, berkitdirmek.

**PUGTALAÝYŞ** [puğtoloýuş], *iş ady.* Pugtalamak ýagdaýy.

**PUGTALYK** [puğtoluk], *at.* **1**. Berklik, mäkämlik. **2**. *göç.m.* Özüňe pugta bolmaklyk, durnuklylyk.

**PUGTAMA** [puğtomo], *iş ady.* **1**. Pugtamak ýagdaýy. **2**. Aýal köýneginiň ýakasy, begres, çabyt, geýim, don, çäkmen, jübüleriniň agyzlary we ş.m. jäheklenenden ýa-da balakýüpi tutulanyndan soň, gyralaryna, agzyna berklik üçin, dürli reňkdäki sapak bilen edilýän sanjym nagşy.

**PUGTAMAK** [puğtomok], *işl.* Köýnegiň ýakasyna, donuň, çabydyň jübüsiniň agzyna, geýimiň etegine we ş.m. berklik üçin jähegiň ýa-da balakýüpiniň ýüzünden pugtama nagşyny salmak.

**PUGTAMAKLYK** [puğtomokluk], *iş ady.* Pugtamak ýagdaýy.

**PUGTAŞMAK** [puğtoşmok], *işl.* **1**. Pugtamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup pugtamak. *Joralary çykjak gyzyň jäheklenip bolnan eşiklerini pugtaşyp otyr.*

**PUGTATMAK** [puğtotmok], *işl.* Pugtamak işini başga birine etdirmek. *Ejesi köýneginin ýakasyny gyz agtygyna pugtatdy*.

**PUGTUK** [puğtuk], *at.*Aýal geýiminiň balak ýüpüniň sag we çep tarapyny berkitmek üçin salynýan nagyş.

**PUGTUMA** [puğtumo], *at*, *ser*. **Pugtama 2**.

**PUHARY** [puhory], *at.* Jaýyň diwarynyň iç ýüzünden, burçundan ýasalýan ojak.

**PUKARA** [pukora:], *syp.* **1**. Barly däl, garyp, ýoksul. *Bize şa gyzy-da, geda gyzy-da gerek däl, bize özümiz ýaly pukara gyz gerek* (S. Myradow). **2**. *göç.m.* Biçäre, görgüli. *Ýeri, pukarany munça azara goýup, ondan näme çykdy diýsene?* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Gepsiz-gürrüňsiz, sesi-üýni ýok, ýuwaş. *Gyzyň kakasy Musa öz bagbançylygy bilen mydar edip ýören bir pukarady* (B. Soltannyýazow).

**PUKARAÇYLYK** [pukora:çylyk], *at, ser.* **Pukaralyk**. *Gurban aganyň aýaly Jumagül köp pukaraçylygy başyndan geçiren daýaw, eli-aýagy işe gelşip duran garaýagzyň görmeklisidi* (A. Durdyýew).

**PUKARALYK** [pukora:lyk], *at.* Pukaranyň hal-ýagdaýy. *Ol öz pukaralygyna garaman, il bähbidi bardyr öýden ýerinde janyny aýamaýardy* (B. Kerbabaýew).

**PUKARASYRAMAK** [pukora:syramak], *işl.* Pukara bolan bolmak, özüni pukara edip görkezjek bolmak. *Dogrusy, daşyndan göräýmäge süýji dilli pukarasyran bolup ýören bu türkana garry ýeser adamdy* (T. Gurbanow).

**PUKARASYRAŞMAK** [pukora:syraşmak], *işl.* Birnäçe bolup pukarasyramak.

**PUL,** *at.* **1**. Harytlaryň bahasynyň ölçegi hem-de töleg serişdesi bolan metal şaýylyklar we kagyz belgileri. **2**. Baýlyk; maýa.

◊ **Pula gyzmak** pula nebsiňi şaglatmak, pul diýip ölüp barmak. **Puluň ýesiri** pula erkini aldyran, puldan başga zady bilmeýän.

**PULDAR** [pulla:r], *syp., ser.* **Pully**. *Puldar baýlar pul berýär* ("Görogly").

**PULDARLYK** [pulla:rlyk], *at.* Köp pullulyk, köp puluň eýesi bolmaklyk.

**PULLANMAK** [pullonmok], *işl.* Puluň köpelmek, pully bolmak, baýlaşmak. *Akja palçy oglunyň çöle gidip, pullanyp gelmeginiň sebäbini düşündirdi* (N. Baýramow).

**PULLULYK** [pulluluk], *at.* Puly köplük, puly barlyk, puldarlyk.

**PULLY**, *syp.* **1**. Puly kän, puldar. *Pully adamyň gepi-sözem üýtgeşik bolýar.* **2**. Mugt däl, pul tölenýän, puluna. **3**. Içine pul salnan. *Pully gapjyk.* **4**. Pula dahylly, pula degişli, pul bilen baglanyşykly, pul hakyndaky. *Soň pully gürrüň näme bilen gutardy, gürrüňiň şol ýeri gyzykly.*

**PULSUZ**, *syp.* **1**. Pully däl, mugt. **2**. Puly bolmadyk, puly ýok, kör-köpüksiz. *Pulsuz bazara barandan, köpünsiz göre giren ýagşy* (Nakyl).

**PULSUZLYK** [pulsuzluk], *at.* Puly ýokluk, puly bolmazlyk.

**PURSAT** [pursot], *at.* **1**. Wagt, möhlet, çag, mütdet, puryja. **2**. Gysga wagt aralygy, amatly wagt. *Pursat bir guşdur, elden sypdyrsaň, uçar gider, ony gaýdyp tutmak bolmaz* (A. Gowşudow). **3**. Bir zadyň maýy, ýagdaýy, çemi. *Pursat tapan mahaly, it gaçjak bolup, bar güýji bilen özüni bir tarapa baka oklady* (A. Gowşudow).

**PURSATLAÝYN** [pursotloýun], *syp.* Belli bir pursatda, pursat içinde bolup geçýän, wagtlaýyn, möhletleýin. *Pursatlaýyn iş.*

**PURYJA** [puruýjo], *at, ser.* Pursat , möhlet. *Sizlere ertire çenli puryja bereýin* ("Görogly").

**PUŞDA** [puşdo], *at, gepl.d.* Joýalaryň aralygyndaky zolak ýer, iki joýanyň arasy. *Murtuny towlap, goluny ýaýyp, puşdanyň üstüni basyp, biri-birine ýetipdir* (N. Pomma).

**PUŞMAN** [puşma:n], *at.* Nädogry, galat edilen işe soňundan edilýän ökünç, ýalňyşlyk bilen bolan işe çekilýän ahmyr, arman. *Garyp köşkden çykyp gaýdansoň, Şasenem öz eden işine puşman etdi* ("Şasenem – Garyp"). *Puşmanda men eden-etmiş kärimden, Biperwaýam bolan-bolmuş barymdan* (Magtymguly).

◊ **Puşmana getirmek** toba etdirmek, amana getirmek, edenine ökündirmek. **Puşmana töleg** töleg tertip-düzgüni bozulanda tölegiň yza çekdirilen her bir güni üçin üstüne mündürilip alynýan üste pul, töleg.

**PUŞT**, *at, kön.s.*Deri, ham. *Nesimi dek puştun nähak soýdular, Seniň ogluň iki gözün oýdular* ("Hüýrlukga – Hemra").

**PUT,** *at.* 16 kilograma deň agyrlyk ölçegi. *Her gezekde putdan agyr çygly gum gaçyň gapdalyna güpläp düşýärdi* (B. Kerbabaýew).

**PUTLAÝYN** [putloýun], *hal.* Put-putdan, put-put görnüşinde.

**PUTLUK,** *at.* **1**. Bir puta deň. *Ol bäş putluk haltany göterdi.* **2**. Agramy puta deň bolan agyrlyk ölçeg daşy.

**PÜÇEK** [püçök]: **püçege çykarmak** adam sanyna goşmazlyk, ýagşy-ýamanyny gömmek, sansyz hasaplamak; puja çykarmak, biderek etmek, zaýalamak. *Älhepus, meni püçege çykardyň-aý!* **Bir püçek etmek (bolmak)** biderek hasaplamak. *Sen-ä ony bir püçek etdiň-de oturyberdiň?!*

**PÜF**,*üml.* Ýakymsyz ys alnanda aýdylýan söz.

**PÜFFÜLDI** [püffüllü], *at.* Üflemekden çykýan sesiň ady.

**PÜR I**,*at.*Ýylgyn, sazak, çerkez, çeti, arça ýaly käbir agaçlaryň iňňe şekilli inçejik ýapraklary.

**PÜR II**, *syp.*, *kön.s.* Akylly, akylly-başly. *Är ogul balasy bara pür bolar, Gamçysy elinde, ýaman zor bolar* (Magtymguly).

**PÜRÇÜK,** *at.* Seçegiň we ş.m. ujunda seçelenip duran ýüpek sapaklar.

◊ **Gyzyl pürçük bolmak** ýiti reňkli eşik geýmek, al-ýaşyl geýinmek. *Gyzyl pürçük bolup gelýän gyz-gelinler gyz çykýan öýe tarap ýöneldiler.*

**PÜRDELEMEK** [pürdölömök], *işl.* Yzygiderli pürdemek.

**PÜRDEME** [pürdömö], *iş ady.* Pürdemek ýagdaýy.

**PÜRDEMEK** [pürdömök], *işl.* **1**. Agajyň gapdal ownuk pudaklaryny, pürlerini çapyp, kesip aýyrmak. *Pürslük kesilen agaçlary pürdemek. Üzümi çyrp diýsem, ähli çybyklaryny pürdäýipsiň-le?* **2**. *göç.m.*

Uçdantutma gyrmak, zaýalamak, ýoklamak. *Bu iki çaga gülleri pürdemäge başladylar* (A. Gowşudow).

**PÜRDEMEKLIK** [pürdömöklük], *iş ady.* Pürdemek ýagdaýy.

**PÜRDEMEZLIK** [pürdömözlük], *iş ady.* Pürdäp çykmazlyk.

**PÜRDEŞMEK** [pürdöşmök], *işl.* **1**. Pürdemäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup, bilelikde pürdemek.

**PÜRDETMEK** [pürdötmök], *işl.* Pürdemek işini başga birine etdirmek, pürdemäge mejbur etmek; pürdemäge ýol bermek. *Üzümleri beýle-de bir pürdetmek bolarmy, ähli üzüm getirýän çybyklaryny hem aýrypdyrlar*.

**PÜRE-PÜR** [pürö-pür],*hal.*Gabyň erňegiňe çenli guýlan, dos-doly, erňegi bilen deňleşen (suwuklyk hakynda).

**PÜRE-PÜRLEMEK** [pürö-pürlömök], *işl.* Erňegiňe çenli doldurmak, püre-pür edip guýmak, doldurmak. *Aralyk käsäni püre-pürläp doldurdylar* (G. Şamyýew).

**PÜRE-PÜRLENMEK** [pürö-pürlönmök], *işl.* Gabyň erňegiňe çenli dolmak, gyra-gyrma bolmak. *Olaryň aýmança okarajyklary-da ýagyş suwundan püre-pürlendi* (Ý. Durdyýew).

**PÜRE-PÜRLETMEK** [pürö-pürlötmök], *işl.* Püre-pür etdirmek, gabyň erňegine çenli doldurtmak.

**PÜRKAR** [pürka:r], *at.* Pürküp, jybarlap ýagýan ýagyş.

**PÜRKAW** [pürka:w], *at, ser.* **Pürkar**.

**PÜRKDÜRMEK** [pürükdürmök], *işl.* Pürkgüç we ş.m. enjam bilen ýa-da agzyna suw aldyryp sepeletmek, sepeledip dökdürmek. *Güllere suw pürkdürmek.*

**PÜRKGÜÇ** [pürükgüç]**,** *at.* Suw ýa-da suwuklyk sepmek, pürkmek üçin bedre görnüşli, jüründigi deşik-deşik enjamly gap.

**PÜRKMEK** [pürükmök], *işl.* **1**. Pürkgüç we ş.m. bilen ýa-da agzyňa suw alyp sepelemek, sepmek. **2**. Ýagyş owunjak damjalap ýagmak. *Daşarda ýagys pürküp dur*.

**PÜRKÜLMEK** [pürkülmök], *işl.* Owunjak damja görnüşinde syçrap sepelenmek (suwuklyk hakynda).

**PÜRKÜŞMEK** [pürküşmök], *işl.* **1**. Pürkmäge kömek etmek, sepelemäge kömekleşmek. **2**. Biri-biriňe pürkmek, biri-biriň üstüne sepmek, sepişmek. *Çagalar biri-birine suw pürküşip, üst-başlaryny öl-myžžyk etdiler.*

**PÜRLEK** [pürlök], *syp.* Pür bilen örtülen, durşuna pür bolup duran, pürli.

**PÜRLI** [pürlü], *syp.* **1**. Ýaprak ýerine püri bolan. **2**. Oglana dakylýan at.Sazanda Pürli Saryýew

**PÜR-PUDAK** [pür-pu:dok], *at.* **1**. Agajyň pürleri, pudagy, şahasy. *Erik, alma, şetdaly, Mekdep daşyn bezeýär, Göýä bäsleşýän ýaly, Pür-pudagy uzaýar* (N. Omadow). **2**. *göç.m.* Nesil. *Pür-pudak ýaýradar alkyş kylanym* (Magtymguly).

**PÜRRELEME** [pürrölömö], *iş ady.* Pürrelemek ýagdaýy.

**PÜRRELEMEK** [pürrölömök], *işl.* **1**. Hemmesini kesişdirmek, döwüşdirmek (ösümlik hakynda). **2**. Barysyny ýolup almak. *Gawuny ýygmaly bolupdyr diýip ýördüm weli, menden öňürtiläp, pürreläp gidipdirler.* **3**. *göç.m.* Bir ýan ujundan ýok etmek, bir ýan ujundan gyrmak, öldürmek.

**PÜRRELEŞMEK** [pürrölöşmök], *işl.* **1**. Pürrelemäge kömek etmek. **2**. Birnäçe ýa-da köp bolup pürrelemek (*pürrelemek* sözüniň 1-3 manylary boýunça).

**PÜRRELETMEK** [pürrölötmök], *işl.* **1**. Pürrelemek işini başga birine etdirmek. **2**. *göç.m.* Bir ýan ujundan ýok etdirmek, bir ýan ujundan gyrdyrmak, öldürtmek.

**PÜRRELEÝIŞ** [pürrölöýüş], *iş ady.* Pürrelemek ýagdaýy.

**PÜRS**,*at.* Gapdaldan çykan pudaklary aýrylyp ýylmanan uzyn agaç.

**PÜRSLÜK** [pürüslük], *syp.* Pürs etmek üçin niýetlenen, pürs eder ýaly. *Pürslük agaç.*

**PÜWDÜRILMEK** [püwdürülmök], *işl.* Zogdurylyp batly akyp çykmak, zarply akyp başlamak.

**PÜWDÜRMEK** [püwdürmök], *işl.* Zogduryp bat bilen akdyryp çykarmak.

**PYÇAK**, *at.* Bir zat kesmek üçin metaldan ýasalan gezlik, sowuk ýarag.

◊ **Pyçak arka** azajyk, birneme, sähelçe aradaşlyk. **Pyçak syrmak** eli pyçakly howp salmak, öldürjek bolmak, pyçak gezemek. **Pyçak ýalamak** *gepl.d.* pyçaklamaga meýilli bolmak, pyçakly haýbat atmak.

**PYÇAKLAMA**, *iş ady.* Pyçaklamak ýagdaýy.

**PYÇAKLAMAK**, *işl.* Bedene pyçak sokmak, pyçak urmak.

**PYÇAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Pyçaklamak ýagdaýy.

**PYÇAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Bedene pyçak sokmazlyk, pyçak urmazlyk.

**PYÇAKLANMAK**, *işl.* Bedene pyçak sokulmak, pyçak urulmak.

**PYÇAKLAŞMAK**, *işl.* Biri-birini pyçaklamak.

**PYÇAKLATMAK**, *işl.* Pyçaklamaga mejbur etmek, pyçaklanmagyna mümkinçilik döretmek, ýol bermek.

**PYÇAKLAÝYŞ**, *iş. ady.* Pyçaklamak ýagdaýy.

**PYGAMBER** [py:ğammer] *at.* Allanyň buýruklaryny we habarlaryny ynsanlara ýetirýän şahs.

◊ **Pygamberler ýorgudy bolsun!** "düýş ýorýan adamyň ýorgudy çyn bolsun, hakykat bolsyn" diýen manyda aýdylýan dileg.

**PYGAMBERLIK** [py:ğammerlik], *at.* Pygamberiň derejesi, pygamberiň ýagdaýy.

**PYGAN** [pyğa:n], *at, kön.s.*Ahy-nala, agy, yzlaşyk. *Bilbil hüjüm eýlän howaly baglar, Bilbil senden geçer, pygan eglenmez* (Magtymguly).

**PYGYL** [pyğyl], *at.* Ýaramaz pikir, erbet niýet, ýaman päl. *Onuň pygly gowy däl.*

**PYGYLLY** [pyğylly], *syp.* Ýaramaz pikirli, erbet niýetli, ýaman pälli. *Käbir bet pygylly adamlary paş etmeli* (R. Allanazarow).

**PYKYRDAMA**, *iş ady.* Pykyrdamak ýagdaýy.

**PYKYRDAMAK**, *işl.* Pykyrdyly gülmek, pykyr-pykyr etmek. *Gelin-gyzlar pykyrdap güldüler.*

**PYKYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup pykyr-pykyr etmek. *Ýoldaşlary gülesleri gelmese-de, onuň göwni üçin pykyrdaşyp gülüşdiler* (N. Pomma).

**PYKYRDAWUK** [pykyrdowuk], *syp.* Pykyrdyly ses çykarmak häsiýeti bar bolan, pykyrdap duran.

**PYKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Pykyrdamak ýagdaýy.

**PYKYRDY**, *at.* Pykyr-pykyr edip gülnende çykýan sesiň ady.

**PYKYR-PYKYR**, *s.ş.aňl.söz.*Pykyrdap gülnende çykýan sesler.

◊ **Pykyr-pykyr etmek** *ser.* **Pykyrdamak**.

**PYLAN** [pyla:n], Haýsydyr bir näbelli zady, wagty, orny aňladýan çalyşma. *Pylan kişi. Pylan adam. Pylan zat. Pylan wagt. Pylan ýerde.*

**PYLANÇA** [pyla:nça], *çal. Näçe?* diýen soraga jogap bolýan sözleriň ýerine ulanylýan çalyşma. *Pylança adam. Pylança wagt.*

**PYLANKES** [pyla:nkes], *çal, ser.* **Pylany**. *Ertir pylankeslere, pylankeslere telefon etmeli* (H. Ysmaýylow).

**PYLAN-PISMIDAN** [pyla:n-pismida:n], *çal., ser.* **Pylan**. *Pylan-pismidan diýip, halys bizar petegimi çykardyňyz* (A. Nazarow).

◊ **Pylan zat diýip bilmezlik** biri, bir zat hakynda belli bir kesgitli zat aýtmazlyk, gowy ýa erbet diýip bilmezlik. *Men onuň ogluna pylan zat diýip biljek däl.*

**PYLANY** [pyla:ny], *çal.* Adamyň adynyň ýerine ulanylýan söz, pylan adam. *Pylany bilen ýoldaş boldum.*

**PYLÇALMAK**, *işl* Biri tarapyndan ýokaryk galdyrylyp, ýere urulmak.

**PYLÇAMAK,** *işl.* Biriniň göwresini ýokaryk galdyryp, aýlap, ýeriň ýüzüne ýazmak, çalmak. *Göreş tutýanlaryň biri beýlekisiniň aýagyny ýerden üzägede, pylçap goýberdi.*

◊ **Pylçap urmak** ýere ýykmak, ýere ýazmak. *Biriniň aty ürküp, üstünde oturan eýesini pylçap urdy* (H. Derýaýew).

**PYLÇAMAKLYK**, *iş ady.* Pylçamak ýagdaýy.

**PYLÇATMAK**, *işl.* Pylçamagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Göreşde ýykylan özüni garşydaşyna nädip pylçadandygyna düşünip bilmedi.*

**PYLÇAÝYŞ**, *iş ady.* Pylçamak ýagdaýy.

**PYNHAN** [pynha:n], *syp.* Ogryn, gizlin, ýaşyryn; hiç kime duýdurman. *Garawullar bir pynhan ýerde garap durdular* ("Saýatly – Hemra"). *Emma jülgeleriň içine girseň, Çagyrar özüniň iň pynhan öýne* (K. Gurbannepesow).

**PYNHANLYK** [pynha:nlyk], *at.* Pynhan ýagdaý, gizlinlik, ogrynlyk, ýaşyrynlyk.

**PYNTYK**, *at.* Agaçlaryň ýaprak, çybyk çykarýan gözi. *Pyntyga jan beren sähramyň ýeli* (G. Ezizow). *Alabaharyň mährine pyntyk ýaran daragtlaryň arasy bilen ýörediler* (N. Jumaýew).

**PYNTYKLAMA**, *iş ady.* Pyntyklamak ýagdaýy.

**PYNTYKLAMAK**, *işl.* Pyntyk ýarmak, pyntyk çykarmak. *Pyntyklap üzümler, tallar, Gülläpdir erik-almalar* (Ç. Aşyr).

**PYNTYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Pyntyklamak ýagdaýy.

**PYNTYKLAŞMAK**, *işl* Pyntyk ýaryp başlamak, pyntyk çykaryp başlamak (bir topar agaç hakynda). *Agaçlar pyntyklaşyp başladylar* (B. Soltannyýazow).

**PYNTYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Pyntyklamak ýagdaýy.

**PYŇKYRMA**, *iş ady.* Pyňkyrmak ýagdaýy.

**PYŇKYRMAK**, *işl* Saklanyp bilmän; birden batly gülüp goýbermek. *Men pyňkyranymy duýmandyryn* (B. Hudaýnazarow).

**PYŇKYRTMAK**,*işl.* Pyňkyrmaga mejbur etmek.

**PYŇKYRYŞ**,*iş ady.* Pyňkyryşmak ýagdaýy.

**PYŇKYRYŞMAK**,*işl.* Birnäçe bolup pyňkyryp gülmek, özara pyňkyryp gülüşmek. *Çagalar ýene pyňkyryşdylar* (B. Kerbabaýew).

**PYRGUN** [pyrğu:n] **I**, *at, taryh.* Gadymy Müsürde patyşa, faraon. *Pyrgun patyşa.*

**PYRGUN** [pyrğu:n] **II**, *at, gepl.d.* Ata, düýä tirkelip sürülýän dört tigirli araba. *Ol obanyň gyrasyna geleninden pyrgundan towsup düşdi-de, tüssäniň içinde gözden ýitdi* (H. Ysmaýylow).

**PYRKA,** *at, k.d.* Topar, partiýa. *Adamzadyň kaýsy pyrka, kowmy sen?* (Zynhary).

**PYRKAT** *at, k.d.*Aýralyk. *Şum pelekde ýok utanç, saldy-la pyrkat hilesin* (Magtymguly).

**PYRKYLDAMA** [pyrkyllama], *iş ady.* Pyrkyldamak ýagdaýy.

**PYRKYLDAMAK** [pyrkyllamak], *işl.* Bir zat çala täsir edende pyrk edip ýarylmak ýa-da döwülmek. *Pyçagyň ujy çala galtaşan dessine waharman pyrkyldap çylgym jaýryk atdy. Çyra çüýşesini seresap saklamasaň, birden pyrkyldap gider.*

**PYRKYLDAMAKLYK** [pyrkyllamaklyk], *iş ady.* Pyrkyldamak ýagdaýy.

**PYRKYLDATMAK** [pyrkyllatmak], *işl.* Burnunyň içini arassalamak üçin arasyny kesip-kesip, batly howa çykarmak. *Burnuna gar kepegi girip, Meleguş temegini pyrkyldadýardy* (B. Kerbabaýew).

**PYRKYLDAÝYŞ** [pyrkyllaýyş], *iş ady.* Pyrkyldamak ýagdaýy.

**PYRKYLDY** [pyrkylly], *at.* Bir zat döwlen, ýarylan wagtynda pyrk edip çykýan sesiň ady.

**PYRLAMA**, *iş ady.* Pyrlamak ýagdaýy.

**PYRLAMAK**, *işl.* **1**. Bir zady (mysal üçin, igi ) eliň bilen bat berip, öz okunyň daşynda aýlamak.*Ýaňy igini eline alyp, pyrlamaga başlan Nabat ümsümligi bozdy* (A. Gowşudow). **2**. Ýelgamagy şemala tutup ý-da saklap durkaň öňe tarap ylgap pyrlandyrmak. *Ýelgamagy pyrlamak.* **3**.Çaganyň iki elinden tutup, ýerden ýokarda öz daşyňdan aýlamak. *Çagany daşyňda pyrlamak.*

**PYRLAMAKLYK**, *iş ady.* Pyrlamak ýagdaýy.

**PYRLAMPAÇ** [pyrlampa:ç], *at.* **1**. Çagalaryň biri-biriniň elinden tutup, gezekme-gezek aýlap oýnaýan oýny. **2**. Üstüne münlüp, aýlanylyp uçulýan enjam.

**PYRLANDYRMAK** [pyrlannyrmak], *işl* Aýlap hereket etdirmek.

**PYRLANMAK**, *işl.* **1**. Bir zat (mysal üçin, ik ) okunyň daşynda aýlanmak. *Onuň öwrendekli elinde ik pyrlanyp ugrady* (A. Atajanow). **2**. Ýelgamak öňünden urýan şemalyň, ýeliň täsiri bilen aýlanmak. **3**. Duran ýeriňi üýtgetmän tözerek şekilinde aýlanmak. *Gyzjagaz iki elini gerip, ýykylman pyrlanyp durdy.* **4**. *göç.m.* Gowy görünmek, ýaranmak üçin birine öte hyzmat etmek, daşynda hozanak bolmak, pyr-pyr aýlanmak. *Äriniň daşynda onuň ýaly pyrlanýan aýal az-azdyr.*

**PYRLANYŞMAK**, *işl.* Yzygiderli pyrlanyp durmak (birnäçe pyrlanýan zat, adam hakynda).

**PYRLAŞMAK**, *işl.* **1**. Pyrlamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup, bilelikde pyrlamak. *Garry aýallar ellerindäki iklerini pyrlaşyp, ik egirýärdiler.*

**PYRLATMAK**, *işl.*Pyrlamak işini başga birine etdirmek. *Oglanjyklar ellerindäki ýelgamaklaryny pyrladyp, iki-baka at salýardylar.*

**PYRLAWAÇ** [pyrlowa:ç], *at, ser.* **Ýelgamak**. *Çagalar pyrlawaçlaryny ýele tutup ylgaşýardylar.*

**PYRLAÝYŞ**, *iş ady.* Pyrlamak ýagdaýy.

**PYR-PYR: pyr-pyr aýlanmak 1)** çalt-çalt, yzly-yzyna aýlanmak. **2**) yhlasly hyzmat etmek. *Biçäre Gülaýym Ärhasanyň daşyndan pyr-pyr aýlandy* ("Görogly").

**PYRRA: pyrra öwrülmek (aýlanmak)** dessine, basym, çalt, derrew, birden yzyňa dolanmak ýa-da aýlanyp başlamak. *Aman yzyna pyrra öwrüldi.*

**PYRRYK**,*syp., gepl.d.*Biderek azap. *Işler-ä paşmady, bar edenimiz pyrryk boldy.*

**PYRRYLDAK** [pyrryllak], *at.* Sapalak, hile, pirim.

**PYRRYLDAKÇY** [pyrryllakçy], *at.* Sapalakçy, hilegär, pirimçi, pyrryldak gurýan adam. *Ol tüýs baryp ýatan pyrryldakçy eken.*

**PYRTYKAL** [pyrtyka:l], *at.* **1**. Tropik we subtropik howaly ýerlerde bitýän sitrus agajy. **2**. Şol agajyň çala gyzyl öwusýän sary reňkli, turşumtyk-süýji tagamly, ýumşak gabykly miwesi.

**PYS**, *s.ş.aňl.söz.* Köplenç, tigir ýelini goýberip, pyssaranda we başga ýagdaýlarda ýuwaşlyk bilen çykýan ses.

◊ **Pys bolmak** puç bolmak, puja çykmak, netijesiz bolmak; ugry gaçmak, ýaramazlaşmak. **Pys geçmek** puç geçmek, boş geçmek, sowa geçmek, degmezlik. *Atylan ok pys geçdi.*

**PYSSARMA**, *iş ady.* Pyssarmak ýagdaýy.

**PYSSARMAK**, *işl.* **1**.Ýeli gitmek, ýeli boşamak. *Maşynyň tigri pyssardy.* **2**. Bir zatdan basylyp ejizlemek, ruhdan düşmek, müzzermek. *Mellegi gowy tanaýanlar bolsa onuň häzirki zemzen ýaly çişişiniň deşilen tulum ýaly pyssarjagyny gowy bilýärdiler* (B. Kerbabaýew). **3**. *gepl.d.*Myssarmak.

**PYSSARMAKLYK**, *iş ady.* Pyssarmak ýagdaýy.

**PYSSARTMAK**, *işl.* Bir zady pyssarar ýaly etmek.

**PYSSARYŞ**, *iş ady.* Pyssarmak ýagdaýy.

**PYSSARYŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat pyssarmak. *Gawunlar ýumşap pyssaryşypdyr.*

**PYSSYLDAMA** [pyssyllama], *iş ady.* Pyssyldamak ýagdaýy.

**PYSSYLDAMAK** [pyssyllamak], *işl.* Pyssyldyly ses çykmak, pyssyldyly seslenmek. *Ok hem tüpeňden çykan badyna unly halta degen ýaly bolup, pyssyldaýdy* ("Edebiýat we sungat").

**PYSSYLDATMAK** [pyssyllatmak], *işl.* Pyssyldyly ses çykarmak.

**PYSSYLDAÝYŞ** [pyssyllaýyş], *iş ady.* Pyssyldamak ýagdaýy.

**PYSSYLDY** [pyssylly], *at.* Ýel berlende, ýel çykanda we ş.m. arkaly ýuwaşjadan çykýan sesiň ady.

**PYSSY-PYJURLYK** [pyssy-puju:rluk], *at.* Agzalalyk döretmek bilen meşgullyk, gara ýüreklilik, ýaramazlyk. *Näme, seniň edip ýören pyssy-pyjurlygyňy il bilmeýämişmi?* ("Edebiýat we sungat").

**PYSYRDAMA**, *iş ady.* Pysyrdamak ýagdaýy.

**PYSYRDAMAK**, *işl.* Guşjagaz çalt-çaltdan ganatlaryny kakanda pysyrdyly ses çykmak, pysyrdyly seslenmek, pysyr-pysyr etmek. *Guşjagazyň-da çüňkünden tutup, aşak sallasaň, pysyrdaýar* (A. Durdyýew).

**PYSYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Pysyrdamak ýagdaýy.

**PYSYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe ýa-da köp guş pysyrdamak. *Serçeler guma agynaşyp pysyrdaşýardylar.*

**PYSYRDATMAK,** *işl.* Ganatlaryny pysyrdyly seslendirmek. *Çaga kepderiler uçup bilmän, ganatlaryny pysyrdadýardy.*

**PYSYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Pysyrdamak ýagdaýy.

**PYSYRDY**, *at.* Guşlaryň ganatynyň pysyrdamagyndan we ş.m. sebäpli çykýan sesiň ady. *Guşlaryň pysyrdysy eşidilýär.*

**PYSYR-PYSYR**, *s.ş.aňl.söz.* Guşjagaz çalt-çaltdan ganatlaryny kakanda çykýan sesler.

◊ **Pysyr-pysyr etmek** *ser.* **Pysyrdamak**.*Çaga guş uçup bilmän, pysyr-pysyr etdi.*

**PYŞBAGA** [pyşba:ğa], *at.* Üstki çanagy güberçek, aşaky çanagy ýasy buýnuz gabykly, gysga aýakly süýreniji jandar. *Pyşdyl, pyşdyl, pyşbaga, Pyşdyllap gider daga* (Sanawaç).

**PYŞDYL**, *at, gepl.d., ser.* **Pyşbaga**.

**PYŞDYLDAMA**, *iş ady.* Pyşdyldamak ýagdaýy.

**PYŞDYLDAMAK** [pyşdyllamak], *işl.* Aýaklaryny ýuwaş basyp ýöremek. *Aňyrdan elini arkasyna tutup, pyşdyldap gelen Näzik eje onuň edýän işlerini synlady* (B. Öwezow).

**PYŞDYLDAŞMAK** [pyşdyllaşmak], *işl.* Birnäçe adam, at aýaklaryny ýuwaş basyp ýöremek. *Öz maýdalyna pyşdyldaşyp gelýän ýabylar gumuň ýapysyna dyrmaşyp başlady* ("Edebiýat we sungat").

**PYŞDYLDAÝYŞ** [pyşdyllaýyş], *iş ady.* Pyşdyldamak ýagdaýy.

**PYŞDYLDY** [pyşdylly], *at.* Aýaklary ýuwaş basylyp ýörelende çykýan sesiň we emele gelýän şekiliň ady.

**PYŞDYLÝAKA**, *at.* Gartaşan adamlaryň köýnekleriniň ýakasynyň iki egniň üstünden açylyşynyň bir görnüşi. *Ol içki syryny töweregindäkilere duýdurmazlyk niýeti bilen pyşdylýaka köýnegini ýelpedi* (B. Kerbabaýew).

**PYŞGYRMA** [pyşğyrma], *iş ady.* Pyşgyrmak ýagdaýy.

**PYŞGYRMAK** [pyşğyrmak], *işl.* **1**. Sowuklanyňda we ş.m. ýagdaýda agyz boşlugyndan, burundan zarp bilen her hili nem gatyşykly howa çykarmak. *Birden ol tarapdan hokranan atyň, pyşgyran düýäniň sesi eşidildi* (B. Soltannyýazow). **2**. *gepl.d.*Bir zat hakynda ýaňzytmak, aýtmak, diýmek. *Mergen onuň sebäbini sorap durmady-da, ilki bilen onuň özüniň pyşgyraryna garaşdy* ("Edebiýat we sungat").

**PYŞGYRMAKLYK** [pyşğyrmaklyk], *iş ady.* Pyşgyrmak ýagdaýy.

**PYŞGYRTMAK** [pyşğyrtmak], *işl.* **1**. Agyz boşlugyndan, burnundan zarp bilen her hili nem gatyşykly howa çykartmak. **2**. *gepl.d.*Bir zat hakynda ýaňzytdyrmak, aýtdyrmak, diýdirmek.

**PYŞGYRYŞ** [pyşğyryş], *iş ady.* Pyşgyrmak ýagdaýy.

**PYŞGYRYŞMAK** [pyşpyryşmak], *işl.* Birnäçe adam bilelikde pyşgyrmak. *Üşediňizmi, baryňyz pyşgyryşyp otyrsyňyz?*

**PYŞŞYK**, *syp., ser.* **Paşşyk**.*Burny pyşşyk adam.*

**PYŞŞYLDAMA** [pyşşyllama], *iş ady.* Pyşşyldamak ýagdaýy.

**PYŞŞYLDAMAK** [pyşşyllamak], *işl.* Yzly-yzyna paşşyldyly seslenmek. *Agyr ýük astynda galan ýaly pyşşyldady.*

**PYŞŞYLDATMAK** [pyşşyllatmak], *işl.* Agyr dem alnanda, burnuňy hyşşyldatmak.

**PYŞŞYLDY** [pyşşylly], *at.* Agyr dem alnanda çykýan hyşşyldyly sesiň ady.

**PYŞT**, *at.* **1**.Ata-baba nesli taýdan garyndaşlyk, arka, tohum-tiç. **2**. Guzlaýan towugyň tohumy.

◊ **Ýedi pyşdyna ýetmek** tohum-tijine sögmek.

**PYŞYRDAMA**,*iş ady.* Pysyrdamak ýagdaýy.

**PYŞYRDAMAK**,*işl.* Örän ýuwaş gürlemek, pyşyr-pyşyr edip geplemek. *Ol ýoldaşynyň gulagyna bir zatlar pyşyrdady.*

**PYŞYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Pyşyrdamak ýagdaýy.

**PYŞYRDAŞMAK**, *işl.* Biri bilen bile pyşyrdap gürleşmek.

**PYŞYRDATMAK**, *işl.* Pyşyrdyly ses çykarmak.

**PYŞYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Pyşyrdamak ýagdaýy.

**PYŞYRDY**, *at.* Gaty ýuwaş geplenende çykýan sesiň ady. *Göýä diýersiň çawuş çakýan ýaly, pyşyrdy bilen sözledi* (B. Kerbabaýew).

**PYŞYR-PYŞYR**, *s.ş. aňl.söz.* Gaty ýuwaş geplenende çykýan we eşidilýän sesler. *Pyşyr-pyşyr edip oturma-da, eşitdirip gürläber.*

**PYT**, *s.ş.aňl.söz.* Kiçiräk zat ýere gaçanda çykýan ses. *Pyt edip ýere gaçan zat kiçijik gutyň ekenmi?*

**PYTANAK**, *at.* Käbir agaçlaryň şahalaryna çykýan ujy ýiti ösüntgi.

**PYTANAKLY**, *syp.* Pytanak-pytanak bolup duran, pytanagy bar bolan. *Pytanakly agaç.*

**PYTDYLDAMAK** [pytdyllamak], *işl.* **1**. Pyt-pyt edip ýöremek (aýak bitip ugran çaga hakynda). *Pytdyldap ýöremek.* **2**. *ser.* **Mytdyldamak**.

**PYTDYLDY** [pytdylly], *at.* Pytdyldap ýörelende çykýan aýak sesi.

**PYTDY-SYTDY**,*at.* Bolgusyz, biderek gümmi-sümmi, ugursyz gep, gürrüň. *Pökgen oýan-buýan, pytdy-sytdy sebäpler görkezdi* (A. Gowşudow).

**PYT-PYT**, *s.ş.aňl.söz.* **1**. Kiçiräk zatlar yzly-yzyna ýere gaçanda çykýan sesler. *Bir zatlaryň pyt-pyt edip ýere gaçanyny aňdym.* **2**. Ýaňy aýak bitip ugran çagajyk aýagyny yzly-yzyna ýere basanda çykýan sesler. *Çagajyk aýaklaryny pyt-pyt edip ýere basyp ýöräp ugrady.*

**PYTLAMAK** [pytylamak], *işl.* Kiçiräk bir zat pyt edip ýere gaçmak. *Keçäň üstüne pytlap düşen zat näme?*

**PYTRAMA** [pytyrama],*iş ady.* Pytramak ýagdaýy.

**PYTRAMAK** [pytyramak],*işl.* **1**. Bitin zat ownuk böleklere bölünip dargamak. *Ýekedaban bilen üstünden urlan daş bölegi pytrap gitdi.* **2**. Meňzeş zatlardan durýan tutuş zat bir täsir bilen seçelenip gitmak, ýaýrap gitmek. *Düzüm monjugyň sapagy üzülip, monjuklaryň her haýsy bir ýere pytrap gitdi.* **3**. Üýşüp duran adamlaryň her haýsy bir tarapa gitmek, dagamak. *Çagalar ertir ýene gizlenpeçek oýnamaga ýygnanyşmagy wadalaşyp pytradylar.*

**PYTRAMAKLYK** [pytyramaklyk],*iş ady.* Pytramak ýagdaýy.

**PYTRAMAZLYK** [pytyramazlyk], *iş ady.* Pytramak hereketi amala aşmazlyk (*pytramak* sözüniň **1**, **2**, **3** manylary boýunça).

**PYTRAŇŇY** [pytyraňňy], *syp., at.* **1**. Her haýsy bir tarapa pytrap giden, ýaýrap ýatan, selçeň, dagynyk. **2**. Dogan-garyndaş, ilen-çalan, tohum-tiç. *Onuň pytraňňysy köpdür, ýeke däldir.*

**PYTRAŇŇYLYK** [pytyraňňylyk],*at.* Pytraňňy ýagdaýda bolmaklyk, dagynyklyk, selçeňlik.

**PYTRAŞMAK** [pytyraşmak],*işl.* Birnäçe zat, birtopar adam pytramak. *Ýere gaçan salkymyň üzüm däneleri pytraşyp ýatyr. Çagalar pytraşyp gitdi.*

**PYTRATMAK** [pytyratmak], *işl.* Her haýsyny bir tarapa dagadyp goýbermek, ýaýratmak, seçelendirmek, dargatmak.

**PYTRAÝYŞ** [pytyraýyş] *iş ady.* Pytramak ýagdaýy.

**PYÝADA** [pyýa:da], *syp., hal.* **1**. Gatnaw serişdesiz barýan, ulagsyz. *Zynhary eşegine-de münmän, pyýada ýola düşdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Erkek adam. *Bu pyýadanyň beden*

*gurluşynda, hereketinde berklik, zähmetsöýerlik, çydamlylyk görnüp durdy* (H. Derýaýew). **3**. Küşdüň iň kiçi ähmiýetli çöpüniň ady. *Ol oýnuň başynda pyýadasyny mugt berdi.*

**PYÝADAKAZY** [pyýa:daka:zy], *at.* Nika gyýlanda, gyz bilen ýigidiň nika razylygyny alýan adam, nika şaýady. *Bellediler goşa pyýadakazy, Gitdi şolar gyzdan almaga sözi* (B. Kerbabaýew).

**PYÝADALAMAK** [pyýa:dalamak], *işl.* Ulagdan peýdalanman, öz aýagyň bilen ýöremek.

**PYÝALA** [pyýa:la], *at.* Käse. *Bir pyýala suw.*

**PYZDYRMAK** [pyzzyrmak], *işl.* **1**. El ýa-da aýak bilen pyzmaga mejbur etmek, pyzmagyny gazanmak; pyzmaga ýol bermek. **2**. Birini işinden, wezipesinden aýyrtmak, kowdurmak. *Seni işiňden pyzdyraryn.*

**PYZMA**, *iş ady.* Pyzmak ýagdaýy.

**PYZMAK**, *işl.* **1**. Bir zady ýatan ýerinden galdyrman, ýeriň ýüzi bilen itmek. *Babaly eliniň tersi bilen kagyzy yzyna pyzdy* (B.Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Işden boşatmak, işinden aýyrmak, kowmak.

**PYZMAKLYK**, *iş ady.* Pyzmak ýagdaýy.

**PYZYLMAK**, *işl.* **1**.Bir zat duran ýerinden itilmek. *Aýagyndan sypan galoşy pyzylyp, arkan entän Äşebibi ýykylman, köwşüni çalasyn geýdi-de, ýumrugyny gezedi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Işinden boşadylmak, aýrylmak, kowulmak.

**PYZYŞ**, *iş ady.* Pyzmak ýagdaýy.

**PYZYŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe zady pyzyp çykmak.

**PYZYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup pyzmak. *Gezekme-gezek ylgaşyp çykyp, telpek pyzyşardylar* (A. Gowşudow).

**PYZZYLDAMA** [pyzzyllama], *iş ady.* Pyzzyldamak ýagdaýy. *Öl odunym pyzzyldamasy galmady.*

**PYZZYLDAMAK** [pyzzyllamak], *işl.* Gyzgyn zada, oda suw syçranda, öl odun ýakylanda we ş.m. ýagdaýda pyzzyldyly ses çykyp ýanmak.

**PYZZYLDATMAK** [pyzzyllatmak], *işl.* Pyzzyldyly ses çykarar ýaly etmek. *Pyzzyldadyp ýakmak.*

**PYZZYLDAÝYŞ** [pyzzyllaýyş], *iş ady.* Pyzzyldamak ýagdaýy. *Çary agaň köne maşynynyň pyzzyldaýşy traktoryňkydan hem beterdi.*

**PYZZYLDY** [pyzzylly], *at.* Gyzgyn zada, oda suw syçranda, öl odun ýakylanda we ş.m. ýagdaýda döreýän sesiň ady.

# R

**R,** Türkmen elipbiýiniň ýigrimi birinji harpy.

**RABAT** [yrava:t], *at, kön.s.* Gala, berkitme. *Tahyr üçin kanda rabat salarlar* ("Zöhre – Tahyr").

**RADAR** [rada:r], *at.* Radiotolkunlar arkaly giňişlikdäki zatlaryň ýerleşýän ýerini anyklamak we ulaglaryň tizligini kesgitlemek üçin ulanylýan enjam.

**RADIO** [yra:dyýo / yra:dyýa], *at.* **1**. Elektromagnit tolkunlarynyň kömegi bilen sesleri we belgileri aradaşlyga bermek we kabul etmek usuly. **2**. Şol usul bilen ses kabul edýän enjam.

**RAFYK** [yrafy:k], *at, k.d.* Ýoldaş, ülpet. *Söýeni söý, söýene sen bol rafyk, Söýmedikden yrak eýle özüňni* (Magtymguly).

**RAGBAT** [yrağvat], *at.* Hereket edip bilmäge mümkinçilik berýän ysgyn, güýç, kuwwat, tap, mejal. *Köp geplemäge ragbatym ýokdy* (H. Meläýew).

**RAGBATSYZ** [yrağvassyz], *syp.* Ragbaty bolmadyk, ysgynsyz, güýçsüz, kuwwatsyz. *Ol ragbatsyz ýagdaýda bir elini ýere direýşine doňup galdy* (H. Derýaýew).

**RAGBATSYZLYK** [yrağvassyzlyk], *at.* Ragbaty ýokluk, ysgynsyzlyk, güýçsüzlik, kuwwatsyzlyk.

**RAGNA** [yrağna:], *at.* **1**. *ösüml.d.* Ýakymly ys ýaýradýan gülüň ady. *Eý ýaranlar, bir ýüzi gül Aýa aşyk bolmuşam, Barçalar maksudy – gül ragnaýa aşyk bolmuşam* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Owadan, görmegeý, syratly. *Aldy janym ýüzi enwer, kamaty ragna ýigit* ("Zöhre – Tahyr"). **3**. Gyza dakylýan at.

**RAGNALYK** [yrağna:lyk], *at.* Owadanlyk, görmegeýlik, syratlylyk.

**RAHAT** [yra:hat], *syp.* **1**. Asudalyk, parahatlyk. *Rahat durmuş. Gijäňiz rahat bolsun* (Dileg). **2**. Ynjalykly, ümsüm, arkaýyn ýagdaýy. *Rahat uka gitmek. Rahat ýatyp-turanyň nämä degmeýär. Rahat oturyň.* **3**. *ser.* Rahatlyk. *Biakyllar heňňam gurar Eşret isläp rahat bile* (Magtymguly).

**RAHATLANDYRMAK** [yra:hatlannyrmak], *işl.* Rahatlanar ýaly etmek, köşeşdirmek, birahatlygyňy ýok etmek, aýyrmak. *Onuň sözleri meni rahatlandyrdy.*

**RAHATLANMA** [yra:hatlanma], *iş ady.* Rahatlanmak ýagdaýy. *Lukmanyň eminden rahatlanma tapan nähoş uka gitdi.*

**RAHATLANMAK** [yra:hatlanmak], *işl.* Rahat bolmak, ynjalmak, köşeşmek. *Deňiz birneme rahatlandy.*

**RAHATLANMAKLYK** [yra:hatlanmaklyk], *iş ady.* Rahatlanmak ýagdaýy.

**RAHATLANMAZLYK** [yra:hatlanmazlyk], *iş ady.* Rahatlanyp bilmezlik.

**RAHATLANYŞ** [yra:hatlanyş], *iş ady.* Rahatlanmak ýagdaýy. *Ýüreginden önen balasynyň rahatlanyşyny gören enäniň ýüzi ýagtylyp gitdi.*

**RAHATLAŞMAK** [yra:hatlaşmak], *işl.* Birneme rahatlanmak, ýuwaş-ýuwaşdan rahatlyk aralaşmak.

**RAHATLYK** [yra:hatlyk], *at.* **1**. Asuda ýagdaý, goh-galmagal ýokluk, ümsümlik, dynçlyk. **2**. Ruhy taýdan rahat, gorky-ürküsiz ýagdaý, arkaýynlyk. *Biriniň rahatlygyny bozmak. Jany rahatlyk tapan çaga ertire çenli ýatdy.*

**RAHATSYZ** [yra:hassyz], *syp.* Rahady ýok, birahat.

**RAHATSYZLANMAK** [yra:hassyzlanmak], *işl.* Birahat bolmak, rahadyň gaçmak, ynjalyksyzlanmak.

**RAHATSYZLYK** [yra:hassyzlyk], *at.* Rahady ýok, birahat ýagdaý. *Ýaşaýyş şertleriniň rahatsyzlygy aradan aýryldy.*

**RAHMAN** [yrahma:n], *syp.* **1**. Rehimli, rehim edýän. **2**. Alla Tagalanyň bir ady. *Rahman aýdar: "Nebs umydyn üzegoý"* (Magtymguly). **3**. Oglana dakylýan at.

**RAKETA** [rake:ta], *at.* **1**. *teh.* Öz massasynyň bir bölegini taşlan wagtynda ýüze çykýan reaktiw güýjüň hasabyna hereket edýän uçujy apparat. **2**. *harb.* Silindr şekilli, uç tarapy çowly reaktiw söweş topy, snarýad.

**RAKS** [yrakys], *at, k.d.* Oýun, tans.

◊ **Raks etmek** tans etmek; oýnamak. *Magtymguly, ol mekanda meks etdi, Şyhlar turdy, ýigitler deý raks etdi* (Magtymguly).

**RAKYP** [yraky:p], *at.* **1**. Duşman, keseki, ýat. *Rakyp duýsa, bizi kylar äşgärä, Melamat köp bolar, tow düşer ara* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. *göç.m.* Mähirli, rehimli, mähriban, rehimdar. *Eje! Heý dünýäde senden eziz, senden rakyp adam barmyka?* (T. Gurbanow).

**RALLI** [yra:lly], *at, sport.* Ýörite taýýarlanylan awtoulaglarda, motosikllerde geçirilýän köp günlük sport ýaryşlary. *..."Ýüpek ýoly 2009" rallisiniň guramaçylyk komitetiniň ýokary Kubogyna mynasyp bolmagy milli Liderimiziň halkara ykrarnamasyna eýe bolýandygyny aňyrýany bilen subut edýär* ("Saglyk").

**RAM** [yra:m], *at.* Öwrenilen endik

◊ **Ram bolmak** endige öwrülmek. **Ram etmek** endik etmek.

**RAS** [yra:s], *gepl.d., ser.* **Rast**.

**RASLAMA** [yra:slama], *iş ady.* Raslamak ýagdaýy.

**RASLAMAK** [yra:slamak], *işl.* Özüňi dürsemek, demiňi-dynjyňy almak. *Aljyran gyzymyz özün raslap, Aýlawly bir jogap tapyldy toslap* (A. Kekilow).

**RASLAMAKLYK** [yra:slamaklyk], *iş ady.* Raslamak ýagdaýy.

**RASLAMAZLYK** [yra:slamazlyk], *iş ady.* Özüňi dürsemezlik.

**RASLATMAK** [yra:slatmak], *işl.* Raslamaga mümkinçilik bermek.

**RAST** [yra:s], *hal.* Dogry, çyn. *Nadan köňli ýalgan söze rast diýr* (Magtymguly).

◊ **Rast gelmek** gabat gelmek, dogry gelmek, miýesser bolmak.

**RASTLAMAK** [yra:slamak], *işl.* **1**. Ýürege, göwne jaý etmek, anyklamak. *Rastlap aýtmak. Rastlap gürrüň bermek.* **2**. Dogry gönükdirmek, dogrulamak, gönülemek. *Mawynyň nyşanadan rastlap atan soňky oklary biderek hem geçmedi* (B. Kerbabaýew). *Nyşana rastlap atmak. Akgyz rastlap onuň ýagyrnysyna depdi* ("Edebiýat we sungat").

**RAWY** [yra:wy], *at, kön.s.* Geçmişde bolup geçen wakalar hakda rowaýatlar aýdýan adam, gürrüňçi, hekaýa aýdyjy, hekaýaçy, rowaýatçy. *Rawylar andag rowaýat kylarlar kim, gadym zamanda Müsür welaýatynda Hysraw diýen bir patyşa bar erdi* ("Hüýrlukga – Hemra").

**RAÝ** [yra:ý] **I**, *at.* Bir zada bolan isleg, niýet, göwün, meýil, pikir. *Aşyk bolan magşuk raýyny ýykmaz* (Magtymguly). *Ol atynyň başyny çekip, raýyna goýberdi.*

◊ **Raýyny ýykmazlyk** göwnüni ýykmazlyk, göwnüni syndyrmazlyk. *Çaganyň raýyny ýykmaň.*

**RAÝ** [yra:ý] **II: raý bolmak** çaşmak, bihuş bolmak, huşuňy ýitirmek, özüňden gitmek. *Raý bolan çaga ýaly, çiň arkan gaýyşdy* ("Edebiýat we sungat").

**RAÝAT** [yra:ýat], *at.* Belli bir döwletiň resmileşdirilen ýaşaýjysy, bir döwletiň raýatlygyndaky adam.

◊ **Raýat jemgyýeti** azat raýatlaryň we meýletin dörän guramalaryň döwlet bilen bilelikde ösen hukuk gatnaşyklaryny döredýän jemgyýeti.

**RAÝATLYK** [yra:ýatlyk], *at.* Bir döwletiň raýaty bolmaklyk.

**RAÝDAŞ** [yra:ýdaş], *syp.* Belli bir mesele, iş, hereket boýunça pikirdeş, meslekdeş, duýgudaşlyk bildirýän. *Kärdeşleri alymyň ylmy pikirlerine raýdaşlygyny bildirdiler.*

**RAÝDAŞLYK** [yra:ýdaşlyk], *at.* Raýdaş ýagdaýda bolmaklyk, ylalaşykly gatnaşyk, biri-biriňe bolan duýgudaşlyk, pikirdeşlik. *Işgärleriň özara raýdaşlygy myhmanda içki guwanç duýgusyny döredýär.*

**RAÝON** [yraýo:n], *at, taryh.* TSSR döwründe oblastlaryň içindäki kiçi administratiw-çäk birligi. *Ol kimdir birine ýardamynyň degjegini bilse, raýon merkezine, hatda Aşgabada gidip gelmäge-de ýaltanmaýar, garaňky düşensoň bolsa, daşyna adamlary üýşürip, türkmeniň geçmişinden gyzyklydan gyzykly wakalary gürrüň berýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**RAÝYŞ** [yra:ýyş], *at.* Ýap gazylanda iki tarapa oklanyp çykarylýan gum, üýşürilen gum seňňeri. *Gatlanyň raýyşy.*

**RAÝYŞLY** [yra:ýyşly], *syp.* Gyrasyna, kenaryna raýyş galdyrylan. *Belent raýyşly ýap.*

**RAZ** [ra:z], *at, k.d.* Gizlin gürrüň, syr.

◊ **Raz aýdyşmak** ikiçäk gürleşip, içki syryňy äşgär etmek. *Çölde gezdi raz aýdyşyp halyk bile* (Magtymguly).

**RAZY** [yra:zy], *hal.* **1**. Bir zada özüniň razylygyny bildirýän, razyçylyk berýän, ylalaşýan. *Kimde-kim şol teklibe razy bolsa, goluny galdyrsyn* (B. Kerbabaýew). **2**. Birinden göwni hoş bolan, hoşal. *Men senden razy.*

**RAZYÇYLYK** [yra:zy:çylyk], *at, ser.* **Razylyk**. *Guda bolmaga razyçylyk berdi.*

**RAZYLAŞDYRMAK** [yra:zy:laşdyrmak], *işl.* Biri-birinden närza adamlary ylalaşdyrmak. *Dawagärleri razylaşdyrmak.*

**RAZYLAŞMA** [yra:zy:laşma], *iş ady.* Razylaşmak ýagdaýy.

**RAZYLAŞMAK** [yra:zy:laşmak], *işl.* **1**. Razy bolmak, razylyk bildirmek, razylyk bermek,

ylalaşmak. *Ol ahyry pikirim bilen razylaşdy*. **2**. Ölümli hassa "razy bol" diýip hoşlaşmak.

**RAZYLAŞMAKLYK** [yra:zy:laşmaklyk], *iş ady.* Razylaşmak ýagdaýy.

**RAZYLAŞMAZLYK** [yra:zy:laşmazlyk], *iş ady.* Razy bolmazlyk, ylalaşmazlyk; hoşlaşmazlyk (agyr hassa bilen).

**RAZYLAŞYK** [yra:zy:laşyk], *at.* Bir mesele, pikir hakda özara ylalaşyk. *Ýagşysy, razylaşyk etmek gerek* ("Görogly").

**RAZYLAŞYŞ** [yra:zy:laşyş], *iş ady.* Razylaşmak ýagdaýy. *Bu razylaşyşyň çig, ak göwünden razylaş*.

**RAZYLYK** [yra:zy:lyk], *at.* **1**. Razy bolmaklyk, razyçylyk. *Men oňa öz razylygym bilen gelýänimi beýan etdim* ("Görogly"). **2**. Bir zatda göwni hoşluk, bir zat üçin minnetdarlyk, hoşallyk. *Ol razylyk bilen başyny atdy.*

**RE** [re:] **I**, *at.* Saz ýazgysyndaky ikinji ses.

**RE** [re:] **II**, *at.* Türkmen milli elipbiýiniň ýigrimi birinji harpynyň ady.

**REAKTIW** [reakti:v], *syp*., *teh*. Hereketlenýän jisime şol jisimden çykyp, onuň ugrunyň tersine hereket edýän jisim akymynyň (gaz, bug we ş.m.) yza depýän güýjüniň täsiri netijesinde döreýän herekete degişli. *Reaktiw hereket. Reaktiw hereketlendiriji (motor). Reaktiw uçar*.

**REDA** [reda:], *at, k.d.* Ruhanylaryň geýýän dony. *Iýgenim awy sandym, geýgenim reda bildim. Şunça köýdüm, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum* (Magtymguly). **2**. Derwüşleriň omuzlaryna atýan, gerek ýerinde namazlyk we ýorgan deregine ulanýan ýüň matasy.

**REDAKSIÝA** [ireda:ksyýa], *at.* **1**. Çap etmek üçin biri tarapyndan tertibe salnan, düzedilen iş. **2**. Neşir ediljek işleri çapa taýýarlaýan edara we onuň jaýy.

**REDAKTOR** [ireda:ktyr], *at*. **1**. Neşir, çap ediljek işleri gözden geçirip, tertibe salýan, redaktirleýän adam. **2**. Gündelik metbugatyň, gazetiň, žurnalyň jogapkär ýolbaşçysy.

**REFORMA** [refo:rma], *at.* Haýsydyr bir zady (oba hojalygyny, bilim ulgamyny we ş.m.) özgertmeklik, üýtgedip gurmaklyk.

**REHIL** [irehil], *at, kön.s.* Üstünde kitap goýup okamaga hyzmat edýän açylyp-ýapylýan ganat şekilli tagta.

**REHIM** [irehim], *at.* Biriniň agyr, gözgyny halyna, ýagdaýyna, çekýän gam-gussasyna, hasratyna bildirilýän duýgudaşlyk, şepagat. *Hany seniň enä bolan rehimiň?* (B. Kerbabaýew).

◊ **Rehimi inmek (gelmek)** biriniň agyr ýagdaýyna nebsiň agyryp, dözmezlik etmek. *Garry onuň bolup oturyşyny görüp, oňa nebsi agyrdy hem-de rehimi indi* (N. Saryhanow). *Kim bilsin, ne pikir geçýär başyndan, Emma rehmiň gelýär, görseň daşyndan* (A. Kekilow).

**REHIMDAR** [irehimda:r], *syp.* Kalby rehimden doly, rehimli.

**REHIMDARLYK** [irehimda:rlyk], *at.* Kalby rehimden dolulyk, rehimlilik.

**REHIMLI** [irehimli], *syp.* Birine ýa-da bir zada rehimi gelýän, rehim edýän, ýüregi ýuka, şepagatly, rehimdar. *Rehimli adam.*

**REHIMLILIK** [irehimlilik], *at.* Rehimi barlyk, rehimli bolmaklyk, rehimdarlyk, rehim-şepagatlylyk. *Rehimlilik etmek.*

**REHIMSIZ** [irehimsiz], *syp.* Hiç zada rehimi gelmeýän, rehim etmeýän, rehim-şepagatsyz, birehim. *Rehimsiz zalymlar bagry daş bolar, Barar ýere kesek atyjy bolma* (Magtymguly).

**REHIMSIZLENMEK** [irehimsizlenmek], *işl.* Rehimsiz bolup başlamak, birehim bolmak. *Rehimsizlenip başlamak.*

**REHIMSIZLIK** [irehimsizlik], *at.* Rehimsiz bolmaklyk, rehimi ýokluk, rehimli dällik, rehim-şepagatsyzlyk, birehimlik.

**REHIM-ŞEPAGAT** [irehim-şepa:ğat], *at*. Rehim we hemaýat.

**REHIM-ŞEPAGATSYZ** [irehim-şepa:ğassyz], *syp*. Rehim-şepagaty ýok. *Rehim-şepagatsyz adam*.

**REHIM-ŞEPAGATSYZLYK** [irehim-şepa:ğassyzlyk], *at*. Rehim-şepagaty ýokluk, rehim-şepagatsyz bolmaklyk.

**REHMET** [irehmet], *at, k.d.* **1**. Ýuka ýüreklilik, mähirlilik. **2**. *göç.m.* Peýdaly ýagyş. *Asmanam, goý, rehmet nuruny saçsyn* (A. Atabaýew).

**REHNET** [irehnet], *at.* Bir zatdan görülýän eşret, lezzet, maza. *Zähmet soňy – rehnet* (Nakyl).

**REHNETLI** [irehnetli], *syp.* Rehneti bar bolan, eşretli. *Ol sazlaryň hemmesinde-de rehnetli zähmet wasp edilýär.*

**REJE** [ireje], *at.* **1**. Boluş, ýagdaý. *Howanyň rejesi gowy däldi* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Niýet, hyýal, pikir. *Olaryň öz çüri üçekli öýlerine gaýtmak rejesi ýokdy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Tertip, düzgün. *Reje bilen edilen, içine at keçesi düşelen teläriň goýry kölegesi bardy* (B. Kerbabaýew).

**REJELEMEK** [irejelemek], *işl.* **1**. Tertibe salmak, tertipli etmek, tertipleşdirmek. *Indi olar reňklemek, suwamak, rejelemek işlerini özbaşdak amala aşyrýarlar.* **2**. Ýerli-ýerinde, ýerbe-ýer edip goýmak, jaýlaşykly ýerleşdirmek. *Ýorgan-düşeklerini rejeläp ýygnaşdyrýardy* (B. Seýtäkow). **3**. Timar bermek, gelşikli etmek, taraşlamak, timarlamak, ýylmamak.

**REJELENMEK** [irejelenmek], *işl.* Tertibe salynmak, ýerli-ýerinde goýulmak. *Kitaplar rejelenip goýlupdyr.*

**REJELEŞDIRMEK** [irejeleşdirmek], *işl.* Rejeläp çykmak. *Düzedişdirmek gerek bolmasa-da, düşekleri rejeleşdirdi* (R. Gelenow).

**REJELEŞMEK** [irejeleşmek], *işl.* **1**. Rejelemäge kömek bermek. **2**. Biri bilen ýa-da birnäçe bolup bilelikde rejelemek.

**REJELETMEK** [irejeletmek], *işl.* Rejelemek işini başga birine etdirmek. *Oduny rejeledip basdyrmak.*

**REJELI** [irejeli], *syp.* Tertibe salnan, tertipli; gelşikli; talabalaýyk. *Tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak.* **2**. Ýerbe-ýer edilip goýlan, ýerli-

ýerinde goýlan, jaýlaşykly. *Jaýdan üç sany halyny çykaryp, rejeli ýazdy* (A. Nazarow).

**REJELILIK** [irejelilik], *at.* Tertibe salnan ýagdaýda bolmaklyk, tertiplilik, ýerbe-ýerlik, gelşiklilik. *Öýüň içiniň rejeliligine göwnüň ýetmezçe däldi.*

**REJESIZ** [irejesiz], *syp.* Tertibe salynmadyk, tertipsiz, bulam-bujar. *Ol özüniň tegelenip duran bugdaýreňk ýüzündäki rejesiz ösen gara sakgalyny sypalap goýberdi* (B. Pürliýew).

**REJESIZLIK** [irejesizlik], *at.* Rejelenmedik, rejesi ýokluk, rejeli dällik.

**REJEÝÜP** [irejeýüp], *at.* Gurluşykda diwaryň, haly dokalanda gyrasynyň dogrulygy olaryň daş ýüzünden çekilip barlanýan ýüp.

**REŽISSÝOR** [režisso:r], *at.* Teatr, kino we telewizion, radio oýunlaryny we gepleşiklerini goýýan çeper ýolbaşçy, guramaçy.

**REKLAMA** [rekla:ma], *at.* Harytlara we dürli görnüşli hyzmatlara isleg döretmek maksady bilen olaryn häsiýetli alamatlary hakynda maglumat beriş, mahabat. *Söwda reklamasy. Teatr reklamasy.*

**REKTOR** [re:ktyr / re:ktor], *at.* Ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçysy.

**RELS** [re:ls], *at.* Demir ýollarda şpallara berkidilen, üstünden otlynyň tigirleri ýöreýän insizje polat ýol.

**REMEL** [iremel], *at, şahyr.* Goşgy düzmegiň aruz ölçeginiň bir görnüşi.

**REMEZAN** [iremeza:n], *at.* **1**. Kamary aýlarynyň dokuzynjysy, oraza aýy. *Remezan aýynda on tördi gije, Gözeller üýşerler, bir zyban kakar* (Mollanepes). **2**. Oglana dakylýan at.

**RENÇ** [irenç], *at.* Biriniň ýa-da bir zadyň ugrunda görülýän görgi, çekilýän jepa, azap. *Näler çekdim biwepanyň renjini, Rakyplar emmesin lebiň gandyny* ("Saýatly – Hemra").

**RENÇLI** [irenşli], *syp.* Jebirli, azaply; görgüli. *Rençli iş.*

**RENDE** [irenne], *at.* Agaç ussasynyň agaç, tagta ýonmak, ýylmamak üçin ulanýan el guraly, sürgi. *Ol agaç ýonulanda rendäni nähili tutmalydygyny öwredýärdi.*

**RENDELEME** [irenneleme], *iş ady.* Rendelemek ýagdaýy.

**RENDELEMEK** [irennelemek], *işl.* Rende bilen ýonmak, ýylmamak, sürgülemek.

**RENDELENMEK** [irennelenmek], *işl.* Rende bilen ýonulmak, ýylmanma, sürgülenmek. *Rendelenip ýonulan agaç.*

**RENDELEŞDIRMEK** [irenneleşdirmek], *işl.* Rendeläp çykmak, sürgüläp çykmak, hemmesini rendelemek. *Tagtalary rendeleşdirmek.*

**RENDELEŞMEK** [irenneleşmek], *işl.* **1**. Rendelemäge kömek bermek. *Agaç ussasyna tagta rendeleşmek.* **2**. Bilelikde rendelemek. *Agaç ussalary gapy ýasaljak agaç-tagtalary rendeleşip durdular*.

**RENDELETMEK** [irenneletmek], *işl.* Rendelemek işini başga birine etdirmek; rendelemäge ýol bermek. *Tagtalary maňa rendeletjekmi?*

**RENDELEÝIŞ** [irenneleýiş], *iş ady.* Rendelemek ýagdaýy.

**RENTGEN** [rentge:n], *at.* **1**. Şöhlelenmäniň ölçeg birligi. **2**. Rentgen şöhleleri arkaly beden agzalaryny surata düşürýän enjam, gural, abzal.

**REŇBE-REŇ** [ireňme-reň], *syp.* Dürli reňkde bolan, her hili reňkli. *Baharda açylan reňbe-reň güller, Bir pasyl açylar, ýaza myhmandyr* (Magtymguly).

**REŇBE-REŇLIK** [ireňme-reňlik], *at.* Dürli reňklilik, her hili reňklilik, dürli reňkde bolmaklyk. *Baýdaklaryň reňbe-reňligi älemgoşary ýadyňa salýar.*

**REŇGI-ROÝ** [ireňňi-ro:ý], *at, k.d.* Ýüzüň reňki. *Ol seniň üçin reňgi-roýun saraldyp, sabyr-karardan aýryldy* ("Görogly"). *Hemra diýer, reňgi-roýum saraldy, Ýana-ýana bagrym başy kül boldy* ("Saýatly – Hemra").

**REŇK** [ireňk], *at.* **1**. Boýamak, reňklemek işinde giňden ulanylýan madda, boýag. **2**. Bir zadyň tebigy öwüşgini. *Oglum, ol atyň reňki, sypaty nähili?* ("Görogly"). *Gündogarda bolsa dürli reňk bilen boýalan älemgoşar peýda bolupdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Reňk açmak** reňki durlanmak, reňki gowulanmak, owadanlanmak, ýalpyldamak. *Körleç gyzgylt şöhle durdugyça reňk açýardy* (A. Gowşudow). **Reňki durlanmak 1)** bişip başlamak, süýjäp başlamak. **2**) daýanyp, ýüzüň nurlanmak. **Reňki (ebti) agmak** gaty ýadamak, gorkmak we ş.m. ýagdaýlar sebäpli ýüzüň üýtgemek, ysgynyň gaçmak. **Reňkiň gaçmak** kesele duşup, tapdan düşmek. *Syrkawyň reňki gaçypdyr.* **Reňkiň öçmek** kesellilik ýa-da güýçli gorky sebäpli, ýüzüň gany gaçmak, reňkiň üýtgemek. **Reňkiň saralmak** näsaglyk, iglilik sebäpli reňki öçmek, horlanmak.

**REŇKDAR** [ireňkda:r], *syp.* Gowy reňkli. *Men hiç wagt şeýle uly hem reňkdar güli görmändim.*

**REŇKDEŞ** [ireňkdeş], *syp.* Meňzeş reňkli, reňki meňzeş, bir meňzeş reňkde bolan. *Reňkdeş mata.*

**REŇKLEME** [ireňkleme], *iş ady.* Reňklemek ýagdaýy.

**REŇKLEMEK** [ireňklemek], *işl.* **1**. Reňke ýatyryp boýamak, reňk aldyrmak. *Halynyň ýüpüni özümiz reňkledik.* **2**. Ýüzüne reňk çalmak, ýüzüni reňk bilen örtmek. *Maşyny reňklemek.*

**REŇKLEMEKLIK** [ireňklemeklik], *iş ady.* Reňklemek ýagdaýy.

**REŇKLEMEZLIK** [ireňklemezlik], *iş ady.* Reňklemek işini etmezlik.

**REŇKLENMEK** [ireňklenmek], *işl.* Reňke ýatyrylyp boýalmak.

**REŇKLEŞMEK** [ireňkleşmek], *işl.* **1**. Reňklemäge kömek bermek. *Goňşusyna gapylary reňkleşdi.* **2**. Bilelikde reňklemek. *Aýallar uly gazanda mata reňkleşip durdular.*

**REŇKLETMEK** [ireňkletmek], *işl.* Reňklemek işini birine etdirmek. *Ýüpek reňkletmek. Solak matany reňkletmek.*

**REŇKLI** [ireňkli], *syp.* **1**. Haýsydyr bir reňke boýalan ýa-da belli bir reňkdäki, agam däl, gara-da. *Bu gyzyl reňkli güllerden, gör, nähili çemen baglap*

*boljak* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Dürli reňkdäki (*ser*. **Dürli: dürli galam**). *Reňkli galam.*

◊ **Reňkli film** dürli reňkde surata düşürilen film. **Reňkli metallar** mis, galaýy, alýuminiý, nikel, sink, gurşun we käbir beýleki metallar.

**REŇKLILIK** [ireňklilik], *at.* Reňki barlyk, reňksiz dällik.

**REŇK-PET** [ireňk-pet]: **reňk-petine gelmezlik** gaty gorkmak, gaharlanmak sebäpli, ýüzüniň adaty reňki galmazlyk. *Reňkine-petine gelmän, ýüzi birhili sargylt öwüsdi* (B. Kerbabaýew). **Ýüzünde reňk-pet galmazlyk** horlanmak sebäpli ýa-da ýakymsyz habaryň täsiri netijesinde ýüzi ak tam bolmak, reňki agarmak.

**REŇKSIZ** [ireňksiz], *syp., hal.* **1**. Reňk, boýa ýok ýagdaýynda. *Men dükandan reňk almandyryn, indi reňksiz nähili boýaýyn?* **2**. Reňk çalynmadyk, reňklenmedik, reňke boýalmadyk. *Reňklenmedik gapy.*

**REŇKSIZLIK** [ireňksizlik], *at.* **1**. Reňk ýok ýagdaýy. **2**. Reňkli dällik, reňki ýokluk, boýalan ýagdaýda dällik.

**REPIDE** [irepi:de], *at.* Tamdyra çörek ýapylanda, eliňi ýakmazlyk üçin we üstüne hamyr goýmak üçin galyň matadan syrdalyp tikilen, ele geýdirilýän tegelek esbap. *Ejem gyzan tamdyra hamyry çalt ýapyp, repidäni maňa tarap oklap goýberdi-de, sorag berdi* (H. Garabaýew).

**RESIM** [iresim], *at.* Däp, adat, däp-dessur, adaty düzgün-tertip. *Ony söýmek bize gadymdan resim* (K. Işanow).

**RESMI** [iresmi:], *syp.* **1**. Döwlet işlerini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolan, hökümet, ýolbaşçylyk tarapyndan bellenen. *Resmi sapar.*

◊ **Resmi habar** döwlet edaralarynyň habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýaýradýan ýörite habary.

**RESMILEŞDIRMEK** [iresmi:leşdirmek], *işl.* Resmi görnüşde ýerine ýetirmek, kanunlaşdyrmak.

**RESMILIK** [iresmi:lik], *at.* Resmi görnüşde bolmaklyk, resmi ýagdaý. *Duşuşugyň resmiligi.*

**RESMINAMA** [iresmina:ma], *at.* Bir delili ýa-da bir zada bolan hukugy tassyk edýän iş bilen baglanyşykly resmi güýje eýe bolan kagyz. *Ylalaşyk Türkmenistanyň işeňňir ykdysady hyzmatdaşlary bolup durýan ýurtlaryň köpüsi bilen gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň toplumyna girýär* ("Türkmenistan"). *Işe, okuwa girmek üçin zerur bolan resminamalary tabşyrmaly.*

**RESPUBLIKA** [respu:blika], *at.* **1**. Ýokary häkimiýet edaralary belli bir möhletlik saýlanýan döwlet dolandyryş görnüşi. **2**. Şol hili häkimiýeti bolan ýurt.

**RESUL** [iresu:l], *at.* **1**. *kön.s.* **Ilçi**. **2**. Allanyň ibereni, pygamber. **3**. Oglana dakylýan at.

**RET** [iret]: **ret etmek** bir zady inkär etmek; bir zatdan boýun gaçyrmak; bir pikir we ş.m. bilen razylaşmazlyk.

**REWOLÝUSION** [revolýusiýo:n], *syp.* Rewolýusiýa degişli, rewolýusiýanyn ideýalaryny aňladýan. *Rewolýusion göreş.*

**REWOLÝUSIÝA** [revolýu:syýa], *at.* Jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklarda düýpli öwrülişik.

**REZOLÝUSIÝA** [rezolýu:syýa], *at.* Haýsydyr bir meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmagy netijesinde kabul edilen karar (gurultaýda, ýygnakda we ş.m.). *Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" Rezolýusiýasy dünýäniň syýasy jemgyýetçiliginde, halkara syýasatynda täze bir sahypany açdy.*

**REÝGAN** [ireýğa:n], *syp.* Biderek, puç, netijesiz. *Gaýgy-gamda eziz ömrüm solduryp, Şum pelek azabym reýgan eýledi* (Magtymguly). *Azabyň reýgan bolmak.*

**REÝHAN** [ireýha:n], *at. ösüml.d.* **1**. Ýakymly ysly, süýrüje ýapragynyň gyrasy kertik-kertik, gögümtil gyzyl öwüşginli iýilýän ot. *Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

**REÝIS** [ireýis], *at, k.d.* Başlyk. *Ol ýeriň reýsi: – Eý şazada, zemistan wagtydyr, Arzyrum sowuk bolar – diýdi* ("Asly – Kerem").

**REZIN** [irezi:n / irzi:n], *at.* Süýnmäge ukyply, maýyşgak jisim.

**RÄHNET**, *at, ser.* **Rehnet**. *Birewge beripdir gaýgy-gam, mähnet, Ömründe bir zaman görmedi rähnet* (Magtymguly).

**RIŞBENT** [iri:şvent], *at, kön.s.* Goraýjy geýim. *Olaryň ikisi-de rişbende degip, yzyna syçrap gitdi* ("Görogly").

**RIŞDE** [irişde], *at.* **1.** Sapak, eriş, ýüp, bag, baglanyşyk. *Şiwe birle, gözelim herdem bakyp gyýa sen, Goluňa hanjar alyp, jan rişdesin gyýa sen* (Talyby). 2. Unaş.

◊ **Rişdäňi üzmek** bir zat bilen bagly edýän tamaňdan el çekmek, isleýşiň ýaly bolmajagyna göz ýetirmek.

**ROL** [yro:l / uro:l], *at.* Aktýoryň sahna eseriniň haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi. *Aktýoryň ýerine ýetiren rollary*. **2.** Maşynyň roly.

**ROMAL** [yroma:l], *at, kön.s.* Ýaglyk; elýaglyk. *Söwdügine romal atar her biri* ("Zöhre – Tahyr").

**ROMAN** [yrama:n], *at, edeb.* Halkyň jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm meselesine bagyşlanan uly göwrümli kyssa eseri. *Roman ýazmak. Gyzykly roman.*

**ROMANS** [yrama:ns], *at, sung.* Gahrymanyň içki duýgularyny beýan edýän kiçiräk aýdym.

**ROWA** [yrowa:], *hal.* Bir zada mynasyp, laýyk. *Men sen ýaryň yşkyňda ölmekligim rowadyr, Mähriňe dawagär men, iki gözüm güwädir* (Mollanepes). *Arz eýlesem, rowadyr keremli soltanyma* (Talyby).

◊ **Rowa görmek (bilmek, kylmak, eýlemek)** mynasyp bilmek, laýyk bilmek. *Asly toprakdan bolan adama özüňi näme rowa görýärsiň?* ("Görogly"). *Awy salma meniň içen aşyma, maňa aýralykny rowa eýleme?* (Andalyp). *Aşygyň öldürmäge neçün rowa kyla sen?* (Dosmämmet).

**ROWAÇ** [yrowa:ç], *syp.* Sow, şowly, oňaýly, oňuna. *Bar onda, keýgim, işiň rowaç bolsun!* (T. Gurbanow).

◊ **Rowaç almak (bolmak)** sow almak, şowuna bolmak, ugruna bolmak, rowaçlanmak. **Rowaç tapmak** *ser.* **Rowaç almak.** *Rowaç tap, işleriň, tutumlaryň şowly bolsun.*

**ROWAÇLANDYRMAK** [yrowa:şlannyrmak], *işl.* Rowaçlanmak derejsine ýetirmek. *Hojalygyň işini rowaçlandyrmagyň giň maksatnamasy düzülipdir.*

**ROWAÇLANMA** [yrowa:şlanma], *iş ady.* Rowaçlanmak ýagdaýy.

**ROWAÇLANMAK** [yrowa:şlanmak], *işl.* Rowaç almak, şowly bolmak, oňuna bolmak, üstünlikli ýaýbaňlanmak. *Işiňiz has-da rowaçlansyn.*

**ROWAÇLANMAKLYK** [yrowa:şlanmaklyk], *iş ady.* Rowaçlanmak ýagdaýy.

**ROWAÇLANMAZLYK** [yrowa:şlanmazlyk] *iş ady.* Rowaç bolmazlyk. *Işleriniň rowaçlanmazlygy telekeçini ruhdan düşürmedi.*

**ROWAÇLANYBERMEK** [yrowa:şlanyvermek], *işl.* Rowaçlanyp başlamak; rowaçlanmagyny dowam etdirmek. *Onuň işi ahyry rowaçlanyberdi.*

**ROWAÇLANYŞ** [yrowa:şlanyş], *iş ady.* Rowaçlanmak ýagdaýy.

**ROWAÇLYK** [yrowa:şlyk],*at.* Rowaç bolmaklyk, şowlulyk. *Rowaçlyk arzuw etmek.*

**ROWANA** [yrowa:na]: **rowana bolmak** bir ýere ugramak, ýola düşmek, bir ýana gitmek. *Elgaraz, Hemra sözüni tamam edip, ýarag-esbabyny taýýarlap, ýolga rowana boldy* ("Saýatly – Hemra"). *Ýüzün tutup ummana, Aşyk ýigit ýoluna Bolanmyşyn rowana* (K. Gurbannepesow).

**ROWAÝAT** [yrowa:ýat], *at.* Geçmiş hakynda halk arasynda ýaýran, nesilden-nesle, dilden-dile geçen gürrüň. *Baba aga käwagt oňat maslahatlar berýärdi we şolara degişli rowaýatlar aýdyp gülüşdirmegi oňarýardy* (N. Esenmyradow).

**ROWAÝATÇY** [yrowa:ýatçy], *at.* Rowaýat aýdýan adam, hekaýaçy. – *Sakgaldaş! – diýip, ol ýaňky rowaýatçy ýaşula ýüzlenýär* (B. Hudaýnazarow).

**ROÝ** [yro:ý], *at, k.d.* Ýüz, meňiz. *Ak ýüzünde haly taýly Şirin sözli, hoş roýly Uzyn boýly, göwsi jaýly, Gelinler geçen ýoldur bu* (Zelili).

**ROÝAL** [yraýa:l], *at, sung.* Doly sesli, uzyn kirişleri, uly gapyrjagy bolan klawişli saz guraly.

**ROZA** [yro:zo], *at*, *ser.* **Oraza**. *Ömür az, döwran deraz, ne roza bar, ne namaz* (Magtymguly). *Roza, namazlarynyz kabul bolsun!* (Dileg).

**ROZUGÄR** [uro:zuğä:r], *at.* **1**. Ýaşaýyş, durmuş. *Bipaýan perzende ýörme, guwanma, Indi maňa özge rozugär olmaz* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2**. Gün-güzeran. *Magtymguly niçik geçse rozugär, Haka şükür et, barma namarda, zynhar* (Magtymguly). *Narly, tüweleme, zor, hemişe rozygäriň aladasy bilen* (O. Ödäýew).

**ROZY-MAGŞAR** [uro:zy-mağşar], *at.* Ahyret, kyýamat. *Mähribanlyk babydan dilber, maňa rehm eýleseň, Rozy-magşarda saňa lutf eýlegeý perwerdigär* (Gaýyby).

**RÖWŞEN** [üröwşön], *at.* **1**. Ýagtylyk, nur. *Gitdi gözlerim röwşeni, ol şirin jandan aýrylyp* (Magtymguly). **2**. Ýagty, parlak. *Röwşen geljegimiz.* **3**. Oglana dakylýan at.

**RÖWÜŞ** [üröwüş], *at.* **1**. Ýagdaý, görnüş, hal. *Bu röwüşde köp wagtlar geçdi* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. Ýol, ýörelge, usul, tär. *Suratkeşiň öz garaýşy ileri tutýan röwüşleri kem-kemden aýyl-saýyl bolup başlaýar* ("Edebiýat we sungat").

**RUBAB** [uruba:p], *at*, *sazç*. Kiriş kakar bilen çalynýan gadymy saz guraly. *Saz eýlese gyjagu-dutar, çeň birle Rubab, Hoş owaz geýendeli, bir destan istär köňül* (Seýdi).

**RUBAGY** [uruba:ğy], *at, edeb.* Bir bentde gutarnykly many aňladýan dört setirli goşgy.

**RUBAÝY** [uruba:ýy], *at, edeb., ser.* **Rubagy**.

**RUDYPAÝ** [uru:dupa:ý], *at.* Adam şekilli hyýaly jandar. *Göroglynyň nesihatyn almadyň, Owal neçüýn rudypaýdan gaýtmadyň... Barjamyzy ýakyp oda, Biz rudypaýa uçradyk* ("Görögly").

**RUGSAT** [uruğsot], *at.* **1**. Bir zady amala aşyrmak üçin ygtyýar. **2**. Işleýän, okaýan adama ýylda bir sapar dynç almak üçin berilýän wagt. *Öten ýyl rugsadymyň köpüsini Tejende geçirdim* (A. Gurbanow).

**RUGSATLY** [uruğsotly], *syp.* Rugsat berlen. *Rugsatly okuwçy. Rugsatly gelmek.*

**RUGSATSYZ** [uruğsossuz], *syp.* Rugsady ýok, rugsady bolmadyk, birugsat.

**RUH** [uru:h] **I**, *at.* **1**. Akyl, aň arkaly emele gelýän içki duýgy. *Durmuşa göz ýetirýän adamyň ruhy hem belent bolýar.* **2.** Ölen adamyň hyýaly ruhy. *Adam ölse-de, ruhy gezer ýörermiş*. **3**. Jismi däl, bedensiz mahluk, perişde.

◊ **Ruhdan düşmek** sustuň pes bolmak, bir zada bolan ynamyň gaçyp, göwnüçökgün ýagdaýa düşmek. *Bize ruhdan düşmek gelişmeýär.* **Ruhuny götermek** galkyndyrmak, gylawlandyrmak, keýpini götermek. *Bu ýagdaý biziň ruhumyzy göterdi* ("Edebiýat we sungat"). **Ruhy öçmek** gaty horlanmak ýa-da gaty gorkmak zerarly ýüzüňde gan-pet galmazlyk, ýüzüň nury gaçmak. **Ruh bolup galmak** eti-gany dökülip, gaty horlanmak. *Oňa näme bolýarka, ruh bolup galaýypdyr*. **Ruha dönmek** *ser.* **Ruh bolup galmak**.

**RUH** [uru:h] **II**, *at.* Küşdüň ýokarsy tegelek görnüşli esasy maly. *Agaçdan ýonup perzi, pil, ruh, şa, at ýasapdyrlar* (A. Gowşudow).

**RUHANY** [uru:ha:ny], *at.* Dine hyzmat edýän adam (molla, ahun).

**RUHANYLYK** [uru:ha:nylyk], *at.* Ruhanynyň käri.

**RUHLANDYRMAK** [uru:hlonnurmok], *işl.* Ruhuny götermek, ruhuny galkyndyrmak, ylham bermek, ruhy taýdan güýç-kuwwat bermek.

**RUHLANDYRYJY** [uru:hlonnurujy], *syp.* Ylham beriji, güýç-kuwwat beriji, ruhuny göteriji, galkyndyryjy. *Ruhlandyryjy sözler.*

**RUHLANMA** [uru:hlonmo], *iş ady.* Ruhlanmak ýagdaýy.

**RUHLANMAK** [uru:hlonmok], *işl.* Ruhy göterilmek, ylham almak, galkynmak, ruhy taýdan joşmak.

**RUHSUZ** [uru:hsuz], *syp.* Ruhy bolmadyk, ruhdan düşen, göwnüçökgün, sussupes.

**RUHUBELENT** [uru:huvelent], *syp.* **1**. Ruhy, göwni göterilen, galkynan, keýpi kök. *Sen özüňi ruhubelent tut.* **2**. Daşoguz welaýatynda bir etrabyň ady.

**RUHUBELENTLIK** [uru:huvelentlik], *at.* Ruhubelent halda bolmaklyk.

**RUHY** [uru:hy], *syp.* Adamyň içki dünýäsi bilen baglanyşykly, adam ruhuna degişli.

**RUHYÝET** [uru:hyýet], *at.* Adamyň ruhy dünýäsi bilen baglanyşykly düşünjeleriň jemi.

**RUMYN** [rumy:n], *at, ser.* **Rumynlar.**

**RUMYNLAR** [rumy:nlar], *at.* Rumyniýanyň esasy ilatyny düzýän halk we şol halkyň wekilleri.

**RUPYÝA** [uru:pyýa], *at.* Hindistanyň pul birliginiň ady.

**RUS** [rus/orus], *at, ser.* **Ruslar**.

**RUSLAR** [ruslor/oruslor], *at.* Russiýa Federasiýasynyň esasy ilatyny düzýän halk we şol halkyň wekilleri.

**RÜSTEM** [ürüssöm], *syp.* **1**. Başarnygy taýdan kim-de bolsa birinden artyk, ökde, üstün çykýan, asgyn däl. *Mesele çözmekde Aman synpda iň rüstemidi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Oglana dakylýan at.

**RÜSTEMLIK** [ürüssömlük], *at.* Güýji ökdelik, asgyn dällik.

◊ **Rüstemlik satmak** uly-uly, gopbamsy gürlemek, batyrlyk satmak.

**RYSGAL** [yrysğal], *at.* Taňrynyň beren paýy, rysk (ilki-ilkiler azyk, iýilýän-içilýän zatlar hakynda ulanylyp, soň-soňlar baýlyk, mal-mülk bilen baglanyşykly manyda-da gelip ugrapdyr). *Baýguşuň rysgaly agzyna geler* (Nakyl).

**RYSGALLY** [yrysğally], *syp.* Rysgaly köp bolan, rysgaly bar bolan. *Bolsa-da, rysgally ýigit eken.*

**RYSGALLYLYK** [yrysğallylyk], *at.* Rysgaly barlyk, rysgally bolmaklyk.

**RYSGALSYZ** [yrysğalsyz], *syp.* Rysgally däl, rysgaly ýok, kemrysgal. *Rysgalsyz adam.*

**RYSGALSYZLYK** [yrysğalsyzlyk], *at.* Rysgally bolmazlyk, rysgalsyz bolmaklyk, rysgaly ýokluk, rysgally dällik, kemrysgallyk.

**RYSK** [yrysk], *at, ser.* **Rysgal**

◊ **Ryskyny aýyrmak** öýüni aýyrmak, özbaşdak hojalyk etmek (öýlenen ýigit hakynda). **Rysky daş ýarmak** işi şowuna, edeni oňuna bolup durmak. *Seniň ryskyň daş ýarýar eken* (R. Gelenow).

**RYSWA** [yryswa:], *syp.* Ýaman atly, masgara, betnam, biabraý. *Ýa-da meniň gizlin syrym paş bolup, Ile ryswa bolarmykam, ala göz* (Baýly şahyr).

**RYSWALYK** [yryswa:lyk], *at.* Ryswa bolmaklyk, ýaman atlylyk, masgaralyk, betnamlyk, biabraýlyk. *Halk bolsa onuň ryswalygy hakynda gürrüň edişip, bizi gezer ýaly etmedi* ("Türkmen halk ertekileri").

**RYÝAL** [yryýa:l], *at.* Käbir Gündogar ýurtlarynyň pul birliginiň ady.

**RYZK** [yryzk], *at, ser.* **Rysgal**.*Öz ryzkyna hiç kanagat etmedik, Gözün diker, kişi aşyna zar bolar* (Magtymguly). *Guş-gumrular hem öz ryzklaryny çöpläp, iýşip ýörler* (H. Derýaýew).

# S

S, Türkmen elipbiýiniň ýigrimi ikinji harpy.

**SABA** [sava:] **I**, *hal, şahyr.* **1**. Irden, ir-ertir, säher. *Her saba gelerdim mekdep ýoluna, Garamazdym sagy bilen soluma* (Andalyp). **2**. Geljekki gün, indiki gün, ertir. *Saba bolar, tagt üstüne han çykar* ("Asly–Kerem").

**SABA** [sava:] **II**, *at, şahyr.* Mylaýym ýel, ýakymly ösýän şemal. *Säher çagy ösen saba, Neýleý indi nara döndi* (Magtymguly). *Eý, saba, zarym meniň arz ile jananymga aýt* ("Zöhre – Tahyr").

**SABAMA** [sa:vama], *iş ady.* Sabamak ýagdaýy.

**SABAMAK** [sa:vamak], *işl.* **1**. Zat galman tükenmek, gutarmak, boşamak. *Ýollardaky hereket sabapdy.* **2**. Bir zadyň galyndysyndan, hapasyndan arassalanmak, saplanmak. **3**. Keselden gutulmak, açylmak, sagalmak. *Hudaýyň meniň gözýaşyma rehimi gelip, keselden sabar ýaly, saňa gujur-gaýrat bermegini dileýän* ("Edebiýat we sungat").

**SABAMAKLYK** [sa:vamaklyk], *iş ady.* Sabamak ýagdaýy.

**SABAMAZLYK** [sa:vamazlyk], *iş ady.* Bir zatdan saplanmazlyk.

**SABAŞMAK** [sa:vaşmak], *işl.* **1**.Birnäçe adam, zat, ýer sabamak (*sabamak* sözüniň **1**-nji, **2**-nji, **3**-nji manylaryna hem degişli). **2**. Belli derejede aýrylmak, sabamaga golaýlamak (kesel hakynda). *Ýolukman geçen, wagt-wagt sabaşan hem bolýardy, ýöne ýene duýman durkaň burup başlaýardy* (T. Gurbanow).

**SABATDYRMAK** [sa:vatdyrmak], *işl.* Sabar ýaly etdirmek.

**SABATMAK** [sa:vatmak], *işl.* Sabamak derejesine ýetirmek. *Kesellileri keselinden sabatmak ýeňil iş däl.*

**SABAÝYŞ** [sa:vaýyş], *iş ady.* Sabamak ýagdaýy.

**SABRY-KANAGAT** [savry-kanağat], *at.* Sabyrlylyk hem-de kanagatlylyk, takat (*ser.* **Sabyr** we **Kanagat**). *Göterlip mähri-şepagat, Gidipdir sabry-kanagat* (Seýdi).

**SABRY-KARAR** [savry-kara:r], *at.* Sabyr edip, kanagat edip oturmak duýgusy. *Bu durmuşa Hemranyň sabry-karary galman,bir söz diýdi* ("Saýatly – Hemra"). *Obada ol gyzy göreli bäri, Gaçypdy ol ýigdiň sabry-karary* (A. Kekilow).

**SABYN** [sa:vyn], *at.* Ýag we aşgardan taýýarlanýan, suwda ereýän gaty bölek ýa-da goýy önüm (kir, el-ýüz ýuwmak üçin ulanylýar). *Onuň sabyn gaýnadýan kärhanasy bardy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Sabyn garasyny görmezlik** köp wagtdan bäri sabynly ýuwunmazlyk, suwa düşmezlik.

**SABYNLABERMEK** [sa:vynla:vermek], *işl.* Sabyn çalyp başlamak. *Ol ýuwup oturan eşiklerini sabynlaberdi.*

**SABYNLAMA** [sa:vynlama], *iş ady.* Sabynlamak ýagdaýy.

**SABYNLAMAK** [sa:vynlamak], *işl.* Ýuwmak üçin sabyn çalmak. *Soň elini, ýüzüni sabynlap ýuwdy* (K. Jumaýew).

**SABYNLAMAKLYK** [sa:vynlamaklyk], *iş ady.* Sabynlamak ýagdaýy.

**SABYNLAMAZLYK** [sa:vynlamazlyk], *iş ady.* Sabyn çalmazlyk.

**SABYNLANMAK** [sa:vynlanmak], *işl.* **1**. Sabyn çalynmak. **2**. Öz eliňi-ýüzüňi, endamyňy sabynlamak.

**SABYNLAŞMAK** [sa:vynlaşmak], *işl.* **1**. Sabynlamaga kömekleşmek. *Gel, şu ýüňleri sabynlaş.* **2**. Birnäçe bolup bile sabynlamak (hal işligiň *-yp* goşulmasyny kabul eden *sabynlaşmak* işliginden soň *durmak*, *oturmak* işligi getirilip ulanylýar). *Sabynlaşyp durmak. Sabynlaşyp oturmak.*

**SABYNLATMAK** [sa:vynlatmak], *işl.* Birine sabyn çaldyrmak, sabynlamak işini başga birine etdirmek.

**SABYNLAÝYŞ** [sa:vynlaýyş], *iş ady.* Sabynlamak ýagdaýy.

**SABYNPEZ** [sa:vynpez], *at, kön.s.*Sabyn ýasaýan adam. *Görse, birisi bir şäherde sabynpeziň sabynyny gaýnadýan bolup işleýän ekeni* ("Türkmen halk ertekileri").

**SABYR** [savyr], *at.* **1**. Çydam edip garaşmak ukyby, takat. *Sabyr soňy – sap altyn* (Nakyl). *Sabryň bolsa subhan ýeter dadyňa, Jeňňi-jedel laýyk däldir adyňa* (Magtymguly). **2**. Adam ady.

◊ **Sabryň gaçmak** garaşyp halys bolmak, garaşara takat galmazlyk. **Sabyr etmek (eýlemek)** sabyrlylyk bilen garaşmak, çydamak, howlukmazlyk, gyssanmazlyk. **Sabyr käsäň dolmak** bir zada garaşyp, sabyr edip halys bolmak, garaşyp garaşmaz bolmak.

**SABYRLY** [savyrly], *syp.***1.**Sabyr edýän, takatly, gyssanman garaşmagy başarýan. *Sabyrly ýigit aşa ýeter* (Nakyl). **2**. Gyza dakylýan at.

**SABYRLYLYK** [savyrlylyk], *at.* Sabyrly bolmaklyk, sabry-karary barlyk, sabyrsyz dällik, takatlylyk.

**SABYRLYRAK** [savyrlyra:k], *syp. Azda-kände sabyrly.*Göwün islegiňe ýetmek üçin sabyrlyrak bolmaly.

**SABYRLYSYRAMAK** [savyrlysyramak], *işl.* Sabyrly, takatly bolan bolmak, çydamly bolan bolmak. *Onda-da äheňini üýtgetmän, sabyrlysyrap gepledi* (G. Kulyýew).

**SABYRSYZ** [savyrsyz], *syp.* Sabry bolmadyk, sabry ýok, sabyrly däl. *Possunyny geýip üşemez ýaly, Basgylap garlary, barýar sabyrsyz* (N. Pomma). *Sabyrsyz adam.*

**SABYRSYZLYK** [savyrsyzlyk], *at.* Sabyrsyz bolmaklyk, sabry ýokluk, takatsyzlyk. *Ol Zyba sabyrsyzlyk bilen garaşdy* (Ý. Mämmediýew).

**SABYRSYZRAK** [savyrsyzyra:k], *syp.* Azda-kände sabyrsyz.

**SABYR-TAKAT** [savyr-ta:kat], *at.* Sabyr etmek, takat etmek duýgusy. *Mahym gyzda sabyr-takat galmaý, gün-günden derdi artyp, ýüzleri zagpyran dek saralar erdi* ("Zöhre – Tahyr").

**SAÇ**,*at.* Adamyň kellesine çykýan tüýler, gyl örtügi we olaryň bejerilen, örülen we ş.m. şekildäki görnüşi. *Gözüňe sürme ýaraşar, Biliňe tirme ýaraşar, Saçyňa örme ýaraşar, Saçlary şamar Hatyja* (Seýdi). *Aýşanyň kömür ýaly şar gara, ýogyn saçy-da beýleki gyzlarda juda seýrekdi* (S. Myradow). *Gür saç. Gara saç. Ak saç. Dört örüm saç. Iki örüm saç. Saç örmek. Saçy hynalamak.*

◊ **Saç bagy** saçyň örüminiň uç tarapynyň pugta durmagy üçin örümiň gap bilinden başlap saç bilen bile örülip, onuň ujragynda bir-iki gezek aýlap daňylýan reňkli ýüp. **Saç ýaýmak** saçyň örümini çözüp, ýas tutup aglamak. *Ýaka ýyrtyp, saçyn ýaýyp ýüzüne, Gelin-gyzlar, ança juwan aglaşar* (Misgingylyç).

**SAÇ** [sa:ç], *at.* Içinde gutap, et, heýgenek we ş.m. zat gowrulýan, bişirilýän tegelek ýalpak gap. *Saçda heýgenek bişirmek.*

**SAÇAK**, *at.* **1**. Nahar iýlende ýazylýan, içine çörek dolanýan ýörite tutulan mata; supra, desserhan. *Onuň saçagynda bu gün nany bar, Onuň hemme ýerde beýik sany bar* (R. Seýidow). **2**. Içine çörek, pişme, gant we ş.m. zatlar salnyp, toý ýerine eltilýän sowgat. *Her gün saçak, pişme-köýmetli gelýän aýallar oglany ýüzüne sylýarlar* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Mukaddes zat, mukaddeslik.

◊ **Saçagyňyz egsilmesin!** rysgalyňyz egsilmesin, horluk görmäň diýlip aýdylýan alkyş. **Saçakly gatnaşmak** iki maşgalanyň agzalary biri-biri bilen ýakyndan gatnaşmak. *Aýsoltan eje olar bilen saçakly gatnaşyk ederdi* (N. Pomma).

**SAÇAKÇY**, *at.* Tapan iýmitini iýýän gara-goňur reňkli, uzyn murtly, göni ganatly mör-möjek, tarakan. *Gara saçakçy. Kiçijik saçakçy.*

**SAÇAKDAŞ**, *syp.* Biri bilen bir saçakda iýip-içýän (adam). *Saçakdaş bolmak.*

**SAÇAKLYK**, **1**. *syp.* Saçak etmek üçin niýetlenen (mata). **2**. *at.* Toýa gidilende saçaga salmak üçin alynýan köke, süýji we ş.m. zatlar.

**SAÇAKTORBA** [saçakto:rvo], *at, kön.s.* Öňki wagtlarda toýa, hudaýýola gidilende iki, üç saçak salnyp äkidilýän torba.

**SAÇALAMAK**, *işl.* Saçyp durmak, ýaýradyp durmak. *Güller müşk-anbar ysyny gysganman, dumly-duşa saçalaýar* (H. Derýaýew).

**SAÇALANMAK**, *işl.* Yzygiderli saçmak. *Ýaradan gan saçalandy.*

**SAÇBAG** [saçva:ğ], *at, ser.* **Saç**: **saç bagy**. *Saçbagyň ujunyň simdir işmesi, Üstünden ýol düşse kyndyr aşmasy* (Magtymguly).

**SAÇDYRMAK** [saşdyrmak], *işl.* Dökdürmek (köplenç, der, gan hakynda). *Derini saçdyrmak. Ganyny saçdyrmak.*

**SAÇLAGRAK** [saşlağyra:k], *syp.* Saçy adatdakysyndan, bolmalysyndan gürräk, ösgünräk. *Ol garaýagyzdan saçlagrak oglandy.*

**SAÇLAK** [saşlak], *syp.* Gür, ösgün saçly. *Saçlak, süňkbaşy iri, mylaýym adam bular içeri girenden ýerinden turdy* (B. Seýtäkow).

**SAÇLY** [saşly], *syp.* **1**. Saçy düşmedik, saçy bar. **2**. Saç goýberden, saçyny ösdürip goýberen, saçyny syrdyrmadyk. **3**. Gyza dakylýan at.

◊ **Gara saçly molla** *gepl.d.* aýal maşgala, aýal.

**SAÇLYK** [saşlyk], *at, zergärç.* Saçyň üsti bilen goýberilýän, ujy şelpeli ýa-da düwmeli, gaşly, gyzyllanan, köplenç, kerpiç-kerpiç, bölekleri biri-birine halkajyklar bilen birleşdirilen bezeg şaýy.

**SAÇLYRAK** [saşlyra:k], *syp.* Biraz saçly.

**SAÇMA,** *iş ady.* Saçmak ýagdaýy.

**SAÇMAK**,*işl.* **1**. Syçratmak. *Mest iner dek ak köpükler saçypdyr, Oglan, alla ýaryň, bargyl diýdiler* (Magtymguly). **2**. Dökmek. *Der saçyp işlemek. Ýüz-gözüňden ganyňy saçmak.* **3**. Ýaýratmak. *Şöhle saçmak. Nur saçmak.*

**SAÇMAKLYK,** *iş ady.* Saçmak ýagdaýy.

**SAÇMONJUK** [saçmo:njuk], *at, zergärç.* Iki setir edilip düzülen, arasy gulply, gyranly, saçyň aralaryny çatmak üçin dakylýan bezeg şaýy.

**SAÇPAÝ** [saçpa:ý], *at.* Durmuşa çykan gyzyň saçy arkasyna atdyrylanda, baş salnanda gaýynlary tarapyndan saçyna dakmak üçin berilýän serpaý.

**SAÇUJY** [saçu:jy], *at, zergärç.s.* Saçbagy bilen berkidilip, saçyň ujuna dakylýan düwmeli ýa-da şelpeli bezeg şaýy.

**SAÇUZYN** [saçuzuýn], *at.* Oňurganyň iki tarapyndan uzap gidýän gyzylymtyl-sary damar, siňir.

**SAÇYBERMEK** [saçyvermek], *işl.* Saçyp başlamak; saçmagy dowam etmek.

**SAÇYLMAK**, *işl.* Dökülmek. *Gyzyldan gyrmyzy ganlar, Saçylar meýdan içinde* ("Görogly").

**SAÇYŞ**, *iş ady.* Saçmak ýagdaýy.

**SAÇYŞMAK**, *işl., gepl.d.* Birnäçe bolup bilelikde saçmak, pytratmak, dagatmak. *Näme bulary töwerege saçyşyp otyrsyňyz.*

**SAÇÝOLDY** [saçýolly]**: saçýoldy oýnamak** biri-biriň saçyny ýolup uruşmak, ýolmalaşmak.

**SAÇÝUWLUK**, *at, ser.* Başýuwluk.

**SAÇÝÜZI** [saçýüzü], *at, zergärç.* Saçbaga düzülip, saçyň örümleriniň arasyndan çykarylýan ýüzi gaşly ýa-da gaşsyz kümüşden ýasalan bezeg şaýy.

**SADA** [sa:da], *syp.* **1**. Türkana, ýönekeý, hilegär däl, mekir däl. **2**. Düşünmesi kyn däl, aňsat, ýeňil, düşnükli, aýdyň. *Til bilmez bela duş etme, Sada dil bolsun türkana* (Magtymguly). **3**. Onçakly zynat, haýbat berilmedik, ýönekeý, dabaraly däl. *Ony sada görnüşli bir garryja aýal menzile çenli ugratdy* (A. Gowşudow). **4**. Gurluşy, ýasalyşy, edilişi boýunça

ýönekeý, çylşyrymly bolmadyk, tilsimsiz. *Bu maşyn ýönekeý, sada maşyn däl, Beýlekiler ýaly ýörese-de ýol* (A. Kekilow). **5**. Örän ýüzleý, çuň däl, aňly-düşünjeli däl, dar, ýönekeý. *Salaý ekäniň dünýä garaýşy sadady, çylşyrymly däldi* (B. Seýtäkow).

◊ **Sada habar (sada eýe, sada aýyrgyç)** *dil b.* diňe bir sözden bolan habar (diňe bir sözden bolan sözlem agzasy).

**SADAGA** [sadağa], *at.* Pida, gurban. *Özge gözel ähli şoňa sadaga, Aga jan, Arabyň gyzyn bereýin* ("Görogly"). *Kaşyk ganym Zöhre jana sadaga* ("Zöhre – Tahyr").

**SADAJA** [sa:daja], *syp.* Sada we göze gelimli.

**SADAKA**, *at.* Hudaýyň ýoluna aýdylyp berilýän hudaýýoly.

◊ **Sadakada san ýetmez** ugursyz.

**SADALAÇ** [sa:dalaç], *syp.* Sadarak, azda-kände sada.

**SADALAŞDYRMAK** [sa:dalaşdyrmak], *işl.* Sada görnüşe getirmek, ýeňilleşdirmek.

**SADALAŞMA** [sa:dalaşma], *iş ady.* **1**. Sadalaşmak ýagdaýy. **2**. *dil.b.* Sözleriň fonetik özgermelere sezewar bolup, bir sada, ýönekeý söze öwrülmek hadysasy. Mysal üçin, *bilek ýüzük* sözi fonetik sadalaşmanyň netijesinde *bilezik* diýen ýeke-täk söze öwrülipdir.

**SADALAŞMAK** [sa:dalaşmak], *işl.* Has sada görnüşe gelmek, ýönekeýleşmek. *Maşynyň çylşyrymly gurluşy sadalaşypdyr.*

**SADALAŞMAKLYK** [sa:dalaşmaklyk], *iş ady.* Sadalaşmak ýagdaýy.

**SADALYK** [sa:dalyk], *at.* **1**. Sada bolmaklyk, türkanalyk, ýönekeýlik. *Permanyň sadalyk bilen seredýän gözleri dileg ediji nazar bilen oňa dikilip durdy* (T. Taganow). **2**. Düşünmesi kyn dällik, aňsatlyk, düşnüklilik, aýdyňlyk, ýeňillik. *Eseriň dili örän sadalygy bilen tapawutlanýar.* **3**. Gurluşy, ýasalyşy, edilişi boýunça ýönekeýlik, çylşyrymly dällik.

**SADAP,** *at. zergärç. s.* **1.** Şaý sepleriň ýüzüne gaş edip oturdylýan sary reňkli orta gymmatbaha daş. *Täze helal ogşar ýaryň gaşyna, Sadaplar reşk eýlär göwher dişine* (Talyby). **2**. Deňziň düýbünden alynýan balykgulaklaryň içinde emele gelýän dür. *Sadapda saklanan damja dür bolar* (Aýtgy). **3**. *gepl.d.* Ilik, düwme. *Köýnegiň sadaby.* **4.** Gyza dakylýan at.

◊ **Sadap ýaly (dek)** ak reňkli, ýalpyldap duran. *Hasapçy gyz ýylgyranda, onuň sadap ýaly ak dişleri ýaldyrap göründi* (N. Jumaýew).

**SADARAK** [sa:dara:k], *syp.* Az-kem sada. *Sadarakdan agrasrak bolmak – gelin-gyzlara mahsus häsiýetleriň biridir.*

**SADASYRAMA** [sa:dasyrama], *iş ady.* Sadasyramak ýagdaýy.

**SADASYRAMAK** [sa:dasyramak], *işl.* Sada, türkana bolan bolmak, sada bolmasa-da, özüni sada häsiýetli edip görkezmäge çalyşmak. *Onuň alkymyna baragada, sadasyrap söz gatdy.*

**SADASYRAMAKLYK** [sa:dasyramaklyk], *iş ady.* Sadasyramak ýagdaýy.

**SADASYRAŞMAK** [sa:dasyraşmak], *işl.* Birnäçe adam sadasyramak, özleri sada bolmasalar-da, sada adam ýaly görünmäge çalyşmak, sada bolan bolmak.

**SADASYRAÝÝŞ** [sa:dasyraýyş], *iş ady.* Sadasyramak ýagdaýy.

**SADRANÇ** [sadyranç], *at, kön.s.* Küşt. *Hemranyň agalary hem şu gyz patyşa bilen sadranç oýnardylar* ("Hüýrlukga – Hemra").

◊ **Sadranç ýaly** dim-dik bolup duran, direnip duran (esasan, dogumly hem syrdam ýaş ýigitler hakynda). *Sadranç ýaly bolup gerşiň üstüne çykdylar* (A. Gowşudow). *Dem salym durdular, gürrüňleşdiler, Daýaw ýigit bolsa misli bir sadranç* (K. Gurbannepesow).

**SADYK** [sa:dyk], *syp.* **1**. Tüýs ýürekden berlen, wepaly, wepadar. *Yşk ähli bolmaýyn yşkyňda sadyk bolmasam* (Baýram han Türkmen). **2**. Oglana dakylýan at.

**SADYKLYK** [sa:dyklyk], *at.* Sadyk häsiýetlilik, wepalylyk. *Abdylmejit han sadyklyk bilen baş egdi* (G. Kulyýew).

**SADYLLA** [sa:dylla:]**: (sary) sadylla bolmak** köp garaşmak, intizar bolmak. **(sary) sadylla etmek** köp garaşdyrmak, intizar etmek.

**SADYR** [sa:dyr], *syp.* Porsap giden, ýaramaz, hapa, köne (ýata suw hakynda). *Suw hem bir ýerde köp ýatsa, sadyr bolýar* (B. Seýtäkow). *Obanyň erkekler topary bolsa: "Wepadan beýle sadyr iş çykmaz, munuň bir emmasy bardyr" diýip goýdular* (A. Gowşudow).

◊ **Sadyr atmak** ýata suw hapalanyp yslanmak.

**SAG** [sağ] **I**, **1**. *syp.* Saglygy gowy, oňat, sagat, sagdyn, keselli däl. *Sag ýatsa ýaman, syrkaw – gezse* (Nakyl). *– Näme, oglum, janyň sag dälmi? – diýip sorady* (B. Kerbabaýew). *Jany saga bu işler işem däl.* **2**. Akyly ýerinde (adam hakynda).

◊ **Sag bol! 1)** hoşlaşylanda birek-birege saglyk arzuw edilip aýdylýan edep aňlatmasy. *Hoş, sag bol!* **2)** eden ýagşylygy, kömegi üçin minnetdarlyk, hoşallyk bildirilip aýdylýan edep aňlatmasy. *Kömek edeniň üçin sag bol.*

**SAG** [sağ] **II**, *at.* Soluň, çepiň garşylykly tarapy. *Sag aýak. Sag göz. Sag tarap. Köçäniň sagy bilen gidiber.*

◊ **Sag el** iň ýakyn kömekçi, geňeşde, maslahatda, işde iň ýakyn adam (degişlilik goşulmasy goşulyp ulanylýar). *Ol müdiriň sag elidir.*

**SAGADRAK** [sağadyra:k], *syp.* Saglygy az-owlak kadaly. *Ol ýere sagadrak bolup gitmeseň, ýarawsyz adamlar ol ýola çydamaz.*

**SAGALDYJY** [sağaldyjy], *at.* Saglygyny gowulandyryjy, dikeldiji, ýagdaýy oňatlaşdyryjy, daýandyryjy, gurplandyryjy.

**SAGALDYŞ** [sağaldyş], *iş ady.* **1**. Sagaltmak ýagdaýy. **2**. Saglygy gowulandyrýan, dikeldýän, saglyk ýagdaýyny oňatlaşdyrmaga, gurplandyrmaga hyzmat edýän. *Sagaldyş öýleri.*

**SAGALMA** [sağalma], *iş ady.* Sagalmak ýagdaýy. *Şu dermany içirseň, elinden çekilen ýaly kem-kemden sagalma bilen boluberer.*

**SAGALMAK** [sağalmak], *işl.* Saglygyň gowulanmak, keselden açylmak. *Beýtme gyz, beýtme gyz, ýylgyr-da assa, Rehim et ýigide, sagalsyn hassa* (R. Seýidow).

**SAGALMAZLYK** [sağalmazlyk], *iş ady.* Saglygy gowulanmazlyk, keselden açylmazlyk.

**SAGALTMAK** [sağaltmak], *işl.* Biriniň sagalmagyny gazanmak. *Her zat etmeli weli, ony sagaltmaly* (B. Seýtäkow).

**SAGALYBERMEK** [sağalyvermek], *işl.* Saglygy gowulanybermek, sagalyp başlamak.

**SAGALYŞ** [sağalyş], *iş ady.* Sagalmak ýagdaýy.

**SAGALYŞMAK** [sağalyşmak], *işl.* **1**. Dura-bara saglygy gowulaşmak. *Sagalyşan bolsaň bolýar.* **2**. Birnäçe adam bilelikde sagalmak. *Hassalar derrew sagalyşyp gitdi.*

**SAG-AMAN** [sağ-ama:n], *hal.* Sag-gurgun, sag-salamat, aman-esen. *Gullukdan sag-aman geldiňizmi?*

**SAG-AMANLYK** [sağ-ama:nlyk], *at, ser.* **Saglyk-amanlyk**.

**SAGAN** [sağan], *at, ösüml.d.*Ketigene meňzeş, reňki sarymtyl, kiçijik tikenli gytyk boýly ösümlik.

**SAGANA** [sağana], *at.* Içi otag ýaly, kerpiçden örülen mazar gümmezi. *Bu ýer – sagananyň içi eken* (N. Jumaýew).

**SAGAŇKYRLAMAK** [sağaňkyrlamak], *işl.* Süýdüni sagyp bolaňkyrlamak.

**SAGA-SOLA** [sağa-so:lo], *hal.* Hem saga, hem çepe, iki baka, eýläk-beýläk. *Ol bir zatdan howatyr edýän ýaly, saga-sola seredip gelýärdi.*

◊ **Saga-sola sowurmak (pytratmak)** puly, baýlygy we ş.m. bisarpa tutmak, biderek harçlamak.

**SAGAT** [sağat], *syp.***1**. Saglygy gowy, keselsiz, sagdyn. *Ol süňňi sagat adam. Ýüregi sagat. On iki synasy sagat.***2**. *gepl.d.* Harap bolmadyk, döwülmedik, gurat, abat. *Bu maşyn gaty sagatdyr.*

◊ **Sagadyna çykmak** keselinden saplanyp, sagat bolmak. *Ol köp wagtlap iňňelik iýen ýaly bolup gezdi, ýöne indi her näme bolsa-da, sagadyna çykypdyr.* **Sagadyna (magadyna) ýetmek** bir zadyň anygyna ýetmek, hak ýa-da nähakdygyny anyklamak. *Men bu gürrüňiň sagadyna ýetdim* (A. Durdyýew).

**SAGAT** [sa:ğat], *at.* **1**. Bir gije-gündiziň çäginde wagty ölçemek üçin enjam, mehanizm. *Asma sagat. Elektron sagat. Goşar sagady. Jaňly sagat. Diwar sagady. Jübi sagady.* **2**. Altmyş minuta deň bolan wagt aralygy. *Men saňa bir sagatdanam köp garaşdym*. **3**. Günüň ýarymyndan ýa-da ýarygijeden başlap hasaplanýan 60 minuta barabar möhlet. *Öýlän sagat üç. Agşam sagat ýedi. Gije sagat iki.* **4**. Okuw mekdeplerinde okadylýan sapaga berilýän wagt. *Meniň mekdepde iki sagat okuwym bar*. **5**. *gepl.d.* Umuman wagt. *Ol aýdan sagadyň taýýardyr.*

**SAGATÇY** [sa:ğatçy], *at.* **1**. Sagat bejerýän ussa. *Sagatçy äýnegini maňlaýyna goýup, sagadyň içine seredýär* (B. Kerbabaýew). **2**. Wagty belleýji, wagty ölçeýji. **3**. *taryh.* Suw paýlaşygy döwründe her kime düşýän suwy sagatma-sagat bölüp goýberýän ýörite bellenen adam, mirap.

**SAGATLANMAK** [sağatlanmak], *işl.* Keselden açylmak, sagalmak.

**SAGATLAP** [sa:ğatla:p], *hal.* Sagadyň içinde, sagadyň dowamynda. *Annaguly käwagtlar bir hana sogrup, lap edip aýtdygym däl, hut üç düýp gowaçanyň daşyndan bir sagatlap aýrylmady* (A. Durdyýew). *Birnäçe sagatlap. Iki sagatlap. Üç sagatlap*.

**SAGATLAŞMAK** [sağatlaşmak], *işl.* Saglygyň öňküsinden gowulaşmak, keselden açylyşmak, sagalyp başlamak. *Birneme sagatlaşanymdan soň işe çykaryn.*

**SAGATLAÝYN** [sa:ğatlaýyn], *hal.* Dowamlylygy sagat bilen ölçelýän. *Sagatlaýyn iş*.

**SAGATLY** [sa:ğatly], *syp.* **1**. Sagat dakylan; sagat goýlan. *Ol sagatly elini uzatdy. Üsti sagatly stol.* **2**. Sagatlaýyn. *Sagatly iş.*

**SAGATLYK** [sağatlyk], *at.* Sagat bolmaklyk, sagdynlyk, jany saglyk, hiç hili keseli ýokluk. *Sagatlyk hemme kişä ýetdirýän zat däl.*

**SAGATLYK** [sa:ğatlyk], *syp.* Dowamlylygy bir sagada çekýän, bir sagadyň içinde ýerine ýetirip bolýan. *Bir sagatlyk arakesme. Bir sagatlyk iş.*

**SAGATMA-SAGAT** [sa:ğatma-sa:ğat], *hal.* **1**. Gymyldy-hereketiň amala aşan her bir sagady boýunça. *Seniň işe gelen, işden gaýdan wagtlaryňy sagatma-sagat, hatda minutyna çenli belläp goýdum.* **2**.Her sagatda, yzygiderli, yzyny üzmän. *Şemal çäge depelerini emaý bilen sagatma-sagat, minutma-minut süýşürip barýandyr.*

**SAGATSAÝYN** [sa:ğassa:ýyn], *hal.* Sagat yzyndan sagat geçdigiçe. *Ýazyň ilki aýlarynda howa sagatsaýyn üýtgeýärdi, birden bulutlaşyp şemal turýardy* (B. Kerbabaýew).

**SAGBOLLAŞMAK** [sağvolloşmok], *işl.* Biri bilen hoşlaşmak, sag bol diýişmek. *Eýsem, şol hoşlaşykda il halky bilen sagbollaşyp, özi ýaly gerçeklere baş bolup, Watan goragyna meýletin giden ýigit kim?* ("Edebiýat we sungat").

**SAGBOLLAŞMAZLYK** [sağvolloşmozluk], *iş ady.* Biri bilen "sag bol" diýişmezlik. *Onuň bilen sagbollaşman gidip biljek däl.*

**SAGDAK** [sağdak] **I**, *at.* Ýaýyň oky salnyp, heýkelleýin asylýan gap. *Atam altyn sagdagym, enem unly bogdagym* (Nakyl). *Sagdagymda segsen okum bar, biri hata gitmez!* ("Saýatly – Hemra").

**SAGDAK** [sağdak] **II**, *at, dokm.* Gölçäniň ortasyna, halynyň gyra nagşyna salynýan sekiz ýaprakly, bir ýa-da dört sany açylan güle meňzeş nagyş. *Sagdak salnan gölçe.*

**SAGDYN** [sağdyn], *syp.* **1**. *ser.* **Sagat 1**. *Sagdyn adam.* **2**. Güýçli, daýaw, gujurly. *Sagdyn gollar.* **3**. *göç.m.* Bolgusyz pikirlere gulluk etmeýän, arassa, sap. *Sagdyn pikirli adam.*

**SAGDYNLAŞDYRMAK** [sağdynlaşdyrmak], *işl.* Ýagdaýy, gatnaşygy gowulandyrmak.

**SAGDYNLAŞMAK** [sağdynlaşmak], *işl.* **1**. *ser.* **Sagatlaşmak**. *Ol öňküsinden-de sagdynlaşdy.* **2**. Ýagdaý, durmuş, gatnaşyk gowulaşmak, berkleşmek.

**SAGDYNLYK** [sağdynlyk], *at*. **1**. *ser*. **Sagatlyk**. **2**. Ruhy-ahlak taýdan arassalyk. *Jemgyýetde goňşusyna kömek etmek duýgusy hököm sürýän bolsa, onda bu milletiň ahlak taýdan sagdynlygyna şaýatlyk edýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**SAGDYNRAK** [sağdynyra:k], *syp.* Az-kem sagdyn.

**SAGDYRMAK** [sağdyrmak], *işl.* **1**. Sagmak işini başga birine etdirmek. *Sygyr sagdyrmak.* **2**. Süýt bermek, süýdüni kesmezlik.*Sygyr ýedi-sekiz aýa çenli sagdyrýar.* **3**. *göç.m.* Baýlygyň ep-esli bölegini iýdirmek, eliňden aldyrmak, ütdürmek. *Ol işiňi bitirdim, bu işiňi etdim diýip aldap ýören kezzaba, baý, sagdyransyň-a*.

**SAG-GURGUN** [sağ-ğurğun], *hal, ser.* **Sag-aman**.*Olar hernä sag-gurgun gezişip ýörendirler-dä?* ("Edebiýat we sungat").

**SAG-GURGUNÇYLYK** [sağ-ğurğunçuluk], *at, ser.* **Sag-amanlyk.** *– Sag-gurgunçylykmy? – diýip sorady* (B. Seýtäkow).

**SAG-GURGUNLYK** [sağ-ğurğunluk],*at, ser.* **Sag-amanlyk**.

**SAGLAK** [sağlak], *syp., ser.* **Saglakaý**.

**SAGLAKAÝ** [sağlakaý], *syp.* **1**. Çep eline garanda sag eli bilen, ýer depende bolsa, tersine, sag aýagy bilen däl-de, çep aýagy bilen piliň çep gulagyna basyp has gowy işläp bilýän. **2**. Sag eli, ýer depilende bolsa sag aýagy bilen däl-de, çep aýagy bilen işleýänler üçin ýasalan. *Saglakaý orak. Saglakaý pil.*

**SAGLAMAK** [sağlamak], *işl.* Anygyna, magadyna ýetmek, anyklamak. *Her zadyň aslyny saglamak gerek* (Baýly şahyr).

**SAGLAŞMAK** [sağlaşmak], *işl., gepl.d.* Ugradylanda ýa-da wagtlaýyn aýrylyşylanda "sag bol" diýişmek, sagbollaşmak, hoşlaşmak. *Ol kim bilen hoşlaşjagyna, kim bilen saglaşjagyna-da akyly ýetmän, ýeňsesini öwürdi* (B. Kerbabaýew).

**SAGLAÝYN-SOLLAÝYN** [sağlaýyn-so:lloýun], *hal.* Hem sagdan, hem soldan, hem sagyndan, hem çepinden. *– Dogryňy aýtmasaň, ynha, şu gamçy kebzäňde oýnar – diýip, biçäräni saglaýyn-sollaýyn saýgylamaga durdy* (G. Kulyýew).

**SAGLYK** [sağlyk], *at*. **1**. Jany sagatlyk, guratlyk, gurgunlyk, keselli dällik, sagdynlyk. *Saglyk bolsa, beglik bolar* (Nakyl). *Saglygym – baýlygym* (Nakyl). **2**. Aman-esenlik, sag-salamatlyk.

◊ **Saglygy goraýyş** ilatyň saglygyny goramaklyk we arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmekligi durmuşa geçirmeklik. **Saglyk öýi** dürli hünärli lukmanlaryň (hekimleriň) gözegçilik etmeginde gatnalyp kesel bejerdilýän edara. **Saglyk ýoly** adamlaryň dynç günleri saglyklaryny berkitmek üçin dagdan geçýän ýoly. *Talyplar säher bilen saglyk ýoluna çykdylar.*

**SAGLYK-AMANLYK** [sağlyğ-ama:nlyk], *at.* Aman-esenlik, sag-gurgunlyk, gurgunçylyk.

◊ **Saglyk-amanlyk soraşmak** salamlaşylandan soň biri-biriň saglygyny soramak. *Olar saglyk-amanlyk soraşdylar.*

**SAGLYK-ESENLIK** [sağlyğ-esenlik], *at, ser.* **Saglyk-amanlyk.** *Saglyk-esenlik soraşmak.*

**SAGLYK-SALAMATLYK** [sağlyk-sala:matlyk], *at, ser.* **Saglyk-amanlyk**. *Saglyk-salamatlyk soraşdyk biz öň* (A. Kowusow).

**SAGMA** [sağma], *iş ady.* Sagmak ýagdaýy.

**SAGMAK** [sağmak], *işl.* **1**. Malyň emjegini gysyp, süýdüni almak. *Her kim ýerli-ýerden goýunlary kökerip, sagmaga başlady* (H. Derýaýew). *Sygyr sagmak. Düýe sagmak.* **2**. *göç.m.* Aldaw, zorluk we şuňa meňzeş ýol bilen birinden ep-esli zat almak, ýonmak. *Ol seni sagaýmasa, işiňi bitirer öýdemok.*

◊ **Sag asmana süýdüňi** eliňden gelenini aýama.

**SAGMAKLYK** [sağmaklyk], *iş ady.* Sagmak ýagdaýy.

**SAGMAZLYK** [sağmazlyk], *iş ady.* Sagmak işini ýerine ýetirmezlik.

**SAGRAK** [sağrak], *at, kön.s.* Meý käsesi, meý jürdegi. *Duşmanyň düşegine barmasyň, olaryň sagragyny sürmäsiň* ("Kitaby dedem Gorkut").

**SAGRAK** [sağyra:k], *syp.* Saglyk ýagdaýy gowurak, sagdynrak.

**SAGRY** [sağry], *at.* Uly malyň bilinden guýrugyna çenli bolan aralyk. *Näbelet atyň sagrysyny sypalama* (Nakyl). *Sypalap goýberseň, sagryňdan öter, Tursaň saçyň ýere deger, Akmeňli* (Kemine).

◊ **Sagry ädik** uly malyň sagrysynyň eýlenen derisinden tikilen ädik.

**SAG-SALAMAT** [sağ-sala:mat], *hal.* Aman-esen, sag-gurgun.

**SAG-SOL** [sağ-so:l], *at.* Sag hem çep gapdal, tarap. *Saga-sola garanjaklap oturmak.*

**SAGT** [sağyt], *at.* Adam bedeniniň guruwy, durky, ýasalyşy (*ser.* **Inçesagt**).

**SAGYBERMEK** [sağyvermek], *işl.* **1**. Sagyp ugramak; sagmak işini dowam etdirmek. **2**. *göç.m.* Köplenç, aldaw bilen biriniň zadyny alybermek.

**SAGYLMAK** [sağylmak], *işl.* **1**. Saglyp süýdi alynmak. *Saglan süýt.* **2**.Aldawçylyk bilen biriniň zady, puly we ş.m. alynmak. *Ol aldawa düşüp, mazalyja saglanyny soň bilip galdy.*

**SAGYM** [sağym], *at.* **1**. Maldan bir ýola saglyp alnan süýdüň mukdary. *Sygryň ertirki sagymy.***2**. Mallardan süýt önümi saglyp alynýan döwür, wagt. *Sagym golaýlaşýardy.*

◊ **Sagymyna bakmak** biriniň malynyň süýdüni sagyp, özüň üçin peýdalanmak maksady bilen bakyp bermek. *Sygyrlary sagymyna bakmak.*

**SAGYMÇY** [sağymçy], *at.* Sagymçylyk işi bilen meşgullanýan, sygyr, düýe, goýun, geçi sagýan aýal-gyz.

**SAGYMÇYLYK** [sağymçylyk], *at.* Süýt sagyp almak işi, käri, sagymçynyň ýagdaýy. *Ol on ýyl bäri sagymçylyk edýär.*

**SAGYMLYK** [sağymlyk], *syp.* Saglyp süýdi alynýan, sagyp süýdüni almaga niýetlenen. *Sagymlyk düýe almak.*

**SAGYNAKLABERMEK** [sa:ğynakla:vermek], *işl., gepl.d.* Sagynaklap başlamak. *Kakasyny görenden sagynaklaberdi.*

**SAGYNAKLAMA** [sa:ğynaklama], *iş ady.* Sagynaklamak ýagdaýy.

**SAGYNAKLAMAK** [sa:ğynaklamak], *işl., gepl.d.* Bir zada garaşýan ýaly ýaýdanjyramak, belli netijä, karara gelip bilmän ýaýdanmak, ikirjiňlenmek.

**SAGYNAKLAMAKLYK** [sa:ğynaklamaklyk], *iş ady.* Sagynaklamak ýagdaýy.

**SAGYNAKLAŞMAK** [sa:ğynaklaşmak], *işl.* Birnäçe bolup sagynaklamak.

**SAGYNAKLATMAK** [sa:ğynaklatmak], *işl.* Bir zatdan ýaýdandyrmak, ikirjiňletmek, çekindirmek. *Onuň hyrsyz ýüzi, mähirsiz gözi gyzy biraz sagynaklatdy.*

**SAGYNAKLAÝYŞ** [sa:ğynaklaýyş], *iş ady.* Sagynaklamak ýagdaýy.

**SAGYNÇ** [sa:ğynç], *at, gepl.d.* **1**. Az wagtlyk aýak çekme, ýaýdanyp saklanma, togtaýyş, duruş, egleniş. *Jaýa girmän, sagynç etdi.* **2**.Belli karara, netijä gelmekden az-kem saklanma, ätiýaç etme, birden aýgytly karara gelmän ýaýdanyş.

**SAGYNÇLY** [sa:ğynyşly], *syp.* **1**. Ýaýdanar ýaly güne düşen, ýaýdançly. *Gaýgyly är gojalar, sagynçly är saralar* (Nakyl). **2**. *hal.* Sagynç bilen, ýaýdanma duýgusynyň astyndan çykyp bilmän, ýaýdançly. *Garry ene sagynçly gepledi* ("Edebiýat we sungat").

**SAGYNÇSYZ** [sa:ğynşsyz], *syp.* Sagynman, hiç zat üçin ýaýdanman, derrew. *Myrat bolsa hiç bir sagynçsyz: – Kaka, biz ol ýerimizi tagtdan çykaryp bilmeris – diýdi* (A. Gowşudow).

**SAGYNDYRMAK** [sa:ğynnyrmak],*işl.* Sagynmaga mejbur etmek.

**SAGYNJAŇ** [sa:ğynjaň], *syp.* Sagynagan, ýaýdanagan, ýaýdanjaň. *Sagynjaň adam.*

**SAGYNJAŇLYK** [sa:ğynjaňlyk], *at.* Sagynjaň häsiýetlilik.

**SAGYNJYRAMAK** [sa:ğynjyramak], *işl.* **1**. Sagynyp, saklanyp durmak, ýaýdanjyramak, az-kem garaşmak. *Ol birneme sagynjyrady.* **2**.Belli karara, netijä gelmekden ätiýaç etmek, çekinjiremek, ýaýdanjyramak.

**SAGYNMA** [sa:ğynma], *iş ady.* Sagynmak ýagdaýy.

**SAGYNMAK** [sağynmak], *işl.* Süýdi özi üçin sagmak.

**SAGYNMAK** [sa:ğynmak], *işl.* **1**. Bir zada ýaýdanyp, az-owlak saklanmak, garaşmak, säginmek. *Sag sagynýança, däli ogluny iki öýerer* (Nakyl). *Soňun gözläp, sagnyp sözlär, her işinde zyýan görse* (Magtymguly). **2**. Belli karara, netijä gelmekden çekinmek, bada-bat näme etjegini bilmän saklanmak, oýlanmak.

**SAGYNMAKLYK** [sa:ğynmaklyk], *iş ady.* Sagynmak ýagdaýy. *Ol meniň soragyma sagynmaklyk bilen jogap berdi.*

**SAGYNMAZLYK** [sa:ğynmazlyk], *iş ady.* Sagynyp durmazlyk, ýaýdanmazlyk. *Ol mugallymyň soragyna sagynman jogap berdi.*

**SAGYNYBERMEK** [sa:ğynyvermek], *işl.* Sagynyp durmak, sagynyp başlamak.

**SAGYNYLMAK** [sa:ğynylmak]; *işl.* Bir zatdan ýaýdanyp, çekinip durulmak.

**SAGYNYŞ** [sa:ğynyş], *iş ady.* Sagynmak ýagdaýy.

**SAGYNYŞMAK** [sa:ğynyşmak], *işl.* Birnäçe bolup sagynmak. *Sagynyşyp durmaň-da ýola düşüň!*

**SAGYNYŞYK** [sa:ğynyşyk], *at.* Sagynyp durmaklyk, ýaýdanjaňlyk, ýaýdanyşyk. *Sagynyşyk esli wagta çekdi.*

**SAGYR** [sağy:r], *at, k.d.* Kiçi, ýaş çaga; ejiz. *Sagyr erdik, kebir etdiň bizi sen* (Azady).

**SAGYR**, *at, kön.s.* Gulagy agyr, ker. *Ýoluksa gözüňe güň-u sagyrlar, Olaryň halyna gülüji bolma* (Magtymguly).

**SAGYŞ** [sağyş], *iş ady.* Sagmak ýagdaýy.

**SAGYŞMAK** [sağyşmak], *işl.* **1**. Sagmaga kömekleşmek. *Gyzy ejesine sygyrlaryny sagyşdy.* **2**. Bilelikde sagmak. *Sagymçylar gara daňdandan sygyr sagyşyp ýördüler.*

**SAHABA** [saha:va], *at.* Muhammet pygamberiň ýaranlary we egindeşleri. *Hemme sahaba serweri, Meni ýetir perizada* ("Görogly").

**SAHAP** [saha:p], *at.* Kitabyň, depderiň we ş.m. galyň daşy, daş, jilt.

**SAHAPLABERMEK** [saha:pla:vermek], *işl.* Kitabyň ýa-da depderiň daşyny sahaplamaga, daşlamaga başlamak.

**SAHAPLAMA** [saha:plama], *iş ady.* Sahaplamak ýagdaýy.

**SAHAPLAMAK** [saha:plamak], *işl.* Kitabyň, depderiň we ş.m. daşyna sahap etmek, daşlamak, jiltlemek.

**SAHAPLAMAKLYK** [saha:plamaklyk], *iş ady.* Sahaplamak ýagdaýy.

**SAHAPLAMAZLYK** [saha:plamazlyk], *iş ady.* Kitabyň, depderiň daşyny daşlamazlyk.

**SAHAPLANMAK** [saha:planmak], *işl.* Kitabyň ýa-da depderiň daşy jiltlenmek, daşlanmak. *Sahaplanan golýazma.*

**SAHAPLAŞMAK** [saha:plaşmak], *işl.* **1**. Sahaplamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde sahaplamak.

**SAHAPLATMAK** [saha:platmak], *işl.* Sahaplamak işini başga birine etdirmek.

**SAHAPLAÝYŞ** [saha:plaýyş], *iş ady.* Sahaplamak ýagdaýy.

**SAHAWAT** [saha:wot / saha:wat], *at.* Eli açyklyk, sahylyk, jomartlyk. *Ýagşylaryň ýagşylygyny aýt, sahawat gelsin, ýamanlaryň ýamanlygyny aýt, pälinden gaýtsyn* (Nakyl). *Halaýykda görelde ýok, görüm ýok, Baýlarynda sahawat ýok, berim ýok*

(Magtymguly). *Baý bolsaň kylgyl sahawat, Mal goldan gitmezden burun* (Şeýdaýy).

**SAHAWATLY** [saha:wotly / saha:watly], *syp.* Sahawat edýän. *Sahawatly adam.*

**SAHAWATLYLYK** [saha:wotluluk / saha:watlylyk], *at.* Sahawaty barlyk, sahawatly bolmaklyk.

**SAHAWATLYRAK** [saha:wotlura:k / saha:watlyrak], *syp.* Belli derejede sahawatly. *Biraz sahawatlyrak bolsaňyz, hudaýyň özi sizi penasynda saklar.*

**SAHNA**,*at.***1**. Oýun görkezilýän, çykyş edilýän ýörite ýer. **2**.*göç.m.* Teatr; oýun goýmak sungaty. *Onuň uzyn ömri diýen ýaly sahna bilen baglanyşyklydyr. Sahna eseri.* **3**. Romanda, pýesada, filmde suratlandyrylýan wakadan bir bölek. **3**.*göç.m.* Üýtgeşik bir waka, goh-galmagal. *Kyýas bu sahnany görüp, ellerini daldalatdy* (N. Jumaýew).

◊ **Sahnada goýmak** pýesany (drama eserini, komediýany, tragediýany) sahnada görkezmek üçin oýun guramak, oýun taýynlamak, sahnalaşdyrmak.

**SAHNALAŞDYRMA**, *iş ady.* Sahnalaşdyrmak ýagdaýy. *Baýramçylyk çykyşlaryny sahnalaşdyrma işleri.*

**SAHNALAŞDYRMAK**, *işl.* Çeper eseri teatr sahnasynda goýmak. *Pýesany sahnalaşdyrmak.*

**SAHNALAŞDYRMAKLYK**, *iş ady.* Sahnalaşdyrmak ýagdaýy. *Oýny sahnalaşdyrmaklyk işi.*

**SAHNALAŞDYRMAZLYK**, *iş ady.* Pýesany sahnada goýmazlyk.

**SAHNALAŞDYRYLMAK**, *işl.* Sahnada goýulmak. *Nurymowyň "Epgegiň tepbedi" eseri şowly sahnalaşdyryldy* ("Edebiýat we sungat").

**SAHNALAŞDYRYŞ**, *iş ady.* Sahnalaşdyrmak ýagdaýy. *Režissýoryň pýesany sahnaladyryşynda ussatlygy ýüze çykýar.*

**SAHT**, *syp., k.d.* Berk, gaty, pugta. *Derýadan baý nedir, daşdan saht nedir* (Magtymguly).

**SAHY** [sahy: / sahy ], *syp.* **1**. Eli açyk, gysganç däl, jomart, sahawatly. *Sahylar şat bolar myhman gelende* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

**SAHYLYK** [sahy:lyk], *at.* Eli açyklyk, gysganç dällik, jomartlyk. *Emma Mähri bu sahylygyň yzynyň bir çöpüniň bardygyny aňlady* (A. Gowşudow).

**SAHYP** [sa:hy:p], *at, k.d.* **1**. Eýe, hojaýyn; uly wezipeli adam. *Bu çarbagda birnäçe sahyplar, şa ogly şazadalar, beg ogly begzadalar seýil edip ýörer erdiler* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. Dost-ýar.

**SAHYPA** [sahy:pa], *at.* Kitabyň, depderiň we ş.m. kagyzlarynyň bir ýüzi, bir tarapy. *Onsoň onuň sahypalaryny göwünsizlik bilen agdaryşdyrmaga oturdym* (N. Saryhanow).

**SAHYPALABERMEK** [sahy:pala:vermek], *işl.* Sahypalap başlamak.

**SAHYPALAMA** [sahy:palama], *iş ady.* Sahypalamak ýagdaýy.

**SAHYPALAMAK** [sahy:palamak], *işl.* **1**. Kitabyň, žurnalyň we ş.m. her bir sahypasyna yzygiderli san belgisini ýazyp çykmak. *Ol elýazmany sahypalap otyrdy.* **2**. *gepl.d.* Kitaby we ş.m. sahypama-sahypa açyp agdarmak, okamak. *Beýik akyldarlaryň arap, pars, çagataý dillerinde ýazan eserlerini ...juwanlyk höwesi bilen sahypalapdy* (G. Kulyýew).

**SAHYPALAMAKLYK** [sahy:palamaklyk], *iş ady.* Sahypalamak ýagdaýy.

**SAHYPALAMAZLYK** [sahy:palamazlyk], *iş ady.* Sahypalamak işini ýerine ýetirmezlik.

**SAHYPALANMAK** [sahy:palanmak], *işl.* Kitabyň sahypalaryna yzly-yzyna tertip boýunça san belgisi ýazylmak.

**SAHYPALAŞMAK** [sahy:palaşmak], *işl.* **1**. Sahypalamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde sahypalamak

**SAHYPALATMAK** [sahy:palatmak], *işl.* Sahypalamak işini başga birine etdirmek, sahypa goýdurmak.

**SAHYPALAÝYŞ** [sahy:palaýyş], *iş ady.* Sahypalamak ýagdaýy.

**SAHYPAMA-SAHYPA** [sahy:pama-sahy:pa], *hal.* Sahypa yzarlap, her sahypa boýunça, her bir sahypasyny aýratynlykda. *Kitaby sahypama-sahypa agdaryp başladym.*

**SAHYPJEMAL** [sa:hy:pjema:l], *syp., k.d.* **1**. Gözelligiň eýesi, owadan, gözel. *Gören göz aýyrmaz, sahypjemaldyr, Gel, Seýdim, ýara seýle gideli* (Zelili). **2**. Gyza dakylýan at.

**SAHYPKEREM** [sa:hy:pkerem], *at, k.d.* Sahy, eli açyk. *Döwletli sahypkerem, soltana arzym aýdaýyn* (Kemine).

**SAHYRAK** [sahy:ra:k], *syp.* Eli açygrak, jomardrak.

**SAK**, *syp.* Çendenaşa ünsli, gaty seresap, hüşgär, eserdeň. *Ol ukusyna diýseň sakdy* ("Edebiýat we sungat"). *Gaty sak bolmasaň, ekinleri mal-garadan goramak başartmasa gerek. Sak it. Sak adam.*

**SAKA**, *at.* **1**. Ýabyň, akaryň, derýanyň suwunyň bölünip, ikinji bir ýere akdyrylýan ýeri, teraz. *Derýanyň sakasy.* **2**. *göç.m.* Bir zadyň esasy, başlanýan ýeri, gözbaşy.

**SAKAK**, *at.* **1**. Uýanyň, kellekiniň we ş.m. alkym gaýşy, alkymsa. *Ol atyň uýanynyň sakagyndan berk tutdy.***2**. Telpek, papak kellä geýlende gaçmaz ýaly aýlanýan bagjyk. **3**. Aýallaryň alkymynyň aşagyndan geçirilýän we börügini saklaýan zolak mata. *Müşki-anbar sepilmiş, simu sakaklaryňdan, Bir nokta ger bar bolsa, özüň ymarat eýle* (Talyby).

**SAKAKLAMA**, *iş ady.* Sakaklamak ýagdaýy.

**SAKAKLAMAK**, *işl.* **1**. Sakak dakmak. **2**. Sakagyndan tutmak, alkym ýüpünden tutmak. *Atyňyzy sakaklap duruň* (A. Gowşudow).

**SAKAKLAMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Sakak dakmazlyk. **2**. Sakagyndan tutmazlyk. *Atlary sakaklamaň.*

**SAKAKLANMAK**, *işl.* **1**. Sakak dakylmak. **2**. Sakagyndan tutulmak. *Atlar sakaklandy.*

**SAKAKLAŞMAK**, *işl.* **1**. Sakaklamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde sakaklamak.

**SAKAKLATMAK**, *işl.* Sakaklamak işini başga birine etdirmek.

**SAKAKLAÝÝŞ**, *iş ady.* Sakaklamak ýagdaýy.

**SAKAKLYK**, *syp.* Sakak üçin niýetlenen.

**SAKANAKLAMAK**, *işl., gepl.d., ser.* **Sakawlamak**. – *Başa näme gelse çydamaly, çekmeli – diýip, sakanaklady* (A. Gowşudow).

**SAKAL**, *at., ser.* **Sakgal**.

**SAKAR I**, *syp.* **1**. Maňlaýy ak depelli (haýwanlar hakynda). *Çep gulagy alykly, sag gulagy toýnuk tagmaly sakar işşekden-de derek tapmandy* (B. Kerbabaýew). *Alny sakar dor alaşa.* **2**. *gepl.d.* Maňlaý saçy düşen, takyr (adam hakynda). *Onuň saçy depesine çenli ýygrylan sakar maňlaýy ýalpyldaýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. Ýer-ýurt ady.

**SAKAR II**, *at, kön.s.* Dowzah, tamy, jähennem. *Yşkyň ody misli sakar, janymga düşmüş* (Gaýyby).

**SAKARBALAK** [sakarvalak], *at, ser.* **Sakarbarak.** *Bular Garaguma täze gelen ördekler, gazlar, sakarbalaklar hem bu ýaňky suw guşlarydy* (K. Berdiýew).

**SAKARBARAK** [sakarvarak], *at.* Maňlaýy sakar, ak reňkli suw guşy, barak.

**SAKARGYŞYK** [sakarğy:şyk], *at.* Halynyň gyrasyndaky gözenek çyzyklaryň içine, dürli el işlerine salynýan garşylykly üçburçluklar we şolaryň aralygyndaky "T" harpyna meňzeş nagyş.

**SAKARSIŇEK**, *at.* Maňlaýy ak, dişlek uly siňek. *Aýnadaky sakarsiňek wazyrdap, äpişgäniň tä ýokarsyna çenli ýetip, şol ýerden özüni aşak goýberýärdi* (H. Ysmaýylow).

**SAKARTORSUK**, *at.* Maňlaýy sakar, endamy zolak-zolak tüýli, uly bolmadyk ýabany ýyrtyjy haýwan, torsuk.

**SAKARÝORUNJA** [sakarýorunjo], *at.* Ýabany ýorunja.

**SAKAW** [sakow], *syp.* Sakynyp gepleýän. *Sakaw adam.*

◊ **Sakawyň soňuna seret** gürrüňiň netijesine garaş, diňle, aýdylýan zadyň netijesine seret.

**SAKAWLABERMEK** [sakowla:vermek], *işl.* Birdenkä sakawlap başlamak.

**SAKAWLAMA** [sakowlomo], *iş ady.* Sakawlamak ýagdaýy.

**SAKAWLAMAK** [sakowlomok], *işl.* Howa geçiş ýolunyň birden baglanmagy sebäpli, sözleri sakynyp aýtmak. *Sakawlap geplemek.*

**SAKAWLAMAKLYK** [sakowlomokluk], *iş ady.* Sakawlamak ýagdaýy.

**SAKAWLAMAZLYK** [sakowlomozluk], *iş ady.* Sakynyp, sakawlap gürlemezlik. *Ol ýagdaýy göreňsoň, sakawlamazlyk aňsat-aňsat başardanok-da.*

**SAKAWLAŞMAK** [sakowloşmok], *işl.* Bile sakawlamak. *Olar belli bir zat aýdyp bilmän, sakawlaşyp durdular.*

**SAKAWLATMAK** [sakowlotmok], *işl.* Sakawlamaga mejbur etmek.

**SAKAWLAÝÝŞ** [sakowloýuş], *iş ady.* Sakawlamak ýagdaýy.

**SAKAWLYK** [sakowluk], *at.* Sakynyp geplemeklik ýagdaýy. *Sakawlygyňy goýjak bol!*

**SAKAWRAK** [sakowra:k], *syp.* Az-kem sakaw.

**SAKÇY** [sakçy / sakjy], *at.* Bir zada gözegçilik edýän, saklaýan, goraýan adam, garawul.

**SAKÇYLYK** [sakçylyk / sakjylyk], *at.* Sakçynyň käri, ýerine ýetirýän işi, garawullyk.

**SAKÇYÇYLYK** [sakçyçylyk / sakjyçylyk], *at, ser.* **Sakçylyk**. *Sakçyçylyk, beýleki diýýänlerine hem barasym gelenok* (R. Gelenow).

**SAKGA I**, *hal.* Garaşylmaýan halatda, birden, dessine. *Gapdalymyzdan geçip barýan adamlar sakga aýak çekdiler.*

**SAKGA II**, *at.* Ýülmenip, içine gurşun guýlup, aşyk oýnalýan uly kenek. *Onuň sakgasy goýy gyzyl reňke boýalyp gurşunlanypdy.*

**SAKGAL** [sakgal / sakal], *at.* Çekgä, duluga, eňege çykýan tüý örtügi.

◊ **Sakgaldan alyp, murta goýmak (ýelmemek)** ýerliksiz iş etmek, peýdasyz iş etmek, işi bolmalysy ýaly etmezlik. **Sakgalyndan hiňňildik uçmak** erkek kişiniň erk-ygtyýaryny eliňe almak, diýeniňi etdirmek (aýal maşgala hakynda). **Sakgalyny agartmak** köp azar, ezýet bermek, ejir baryny görkezmek, janyny ýakmak. *Şol jaýyň ugrunda sakgalym agaryp gitdi.* **Sakgalyny sallamak** uly göwresini kiçeltmek.

**SAKGALDAŞ** [sakgallaş / sakallaş], *at.* **1**. Ýaşlary bir çene ýeten, ýaşlary deň bolan erkek adamlar, sakaldaş. *Ol sakgaldaşyna ýüzlendi.* **2**. Ýaşytdaşlaryň biri-birine ýüzlenip, ýüz tutup aýdýan ýüz tutma sözi. *Bah-ow, sakgaldaş, bu ýaşdan soňam bir ýerde oturasyň gelenok öýdýän* (Ş. Borjakow).

**SAKGALLAK** [sakgallak / sakallak], *syp.* Sakgaly gür çykan, gür sakgally. *Olaryň biri sakgallak bolup, beýlekisi kösedi* (B. Kerbabaýew).

**SAKGALLY-SARMYKLY** [sakgally-sarmykly / sakally-sarmykly], *syp.* Sakgal goýberden (orta ýaşly erkek adam hakynda). – *Wiý, ussa aga, siziň aýalyňyz, ogluňyz bar ahyry. Özüňiz hem sakgally-sarmykly adam* (A. Durdyýew).

**SAKGALSAPY**[sakgalsapy / sakalsapy], *at.* Sakgalyň çekge saçy bilen birleşip gidýän ýeri. *Onuň aşak sallanan murtlary, sakgalsapysy timarsyz sakgalyna gatyşýardy* (B. Kerbabaýew).

**SAKGAL-SARMYK** [sakgal-sarmyk / sakal-sarmyk], *at, ser.* **Sakgal**.

**SAKGYÇ**, *at.* **1**. Kepbegöwen, garnaýyç ýaly ösümlikleriň süýtli şiresi we ondan alynýan hem-de çeýnelýän önüm. **2**. Çeýnemek üçin ýörite ýasalýan önüm. **3**. *göç.m., gepl.d.* Ýaňra, manysyz köp gepleýän.

**SAKGYÇLAMAK** [sakgyşlamak], *işl., gepl.d.* Bir zady ýanjap, gaýtalap oturmak.

**SAKLABERMEK** [sakla:vermek], *işl.* Saklap başlamak; saklap ýörmek. *Entek olary eliňde saklaber.*

**SAKLAMA**, *iş ady.* Saklamak ýagdaýy.

**SAKLAMAK**, *işl.* **1**. Eliň bilen tutup durmak, eliňde tutmak. *Käte-käte penjireden yşyklap, Otyr kitabyny elinde saklap* (B. Hudaýnazarow). **2**. Duruzmak, togtatmak, hereketini ýatyrmak. *Sürüji maşyny saklady.* **3**. Öz eklenjiňde, garamagyňda ýaşatmak, eklemek; idetmek. *Mal saklamak.* **4**. Bek

bellemek, unutmazlyk. *Şu aýdanlarymy hergiz ýadyňda sakla.* **5**. Goramak. *Ýüpegi saklamasaň ýüň bolar, aýaly saklamasaň – güň* (Atalar sözi). *Bendesini bela-beterlerden hudaýyň özi saklasyn*. **6**. Daýanç, direg bolup hyzmat etmek. *Ýykyljak tamy ýeke kerpiç saklamaz* (Atalar sözi). **7**. Birini goýbermän eglemek, bir zada güýmäp, işinden, ýolundan goýmak. *Saklamasaň, gitsem dogry ýol bilen, Ýeterdim maksada, käbäm atam jan!* (A. Kekilow). **8**. Wagtynda bermezlik, wagtynda ýerine ýetirmezlik. *Arada gyzymyň kätmenini sapla diýip eltdim, şonam üç-dört gün saklady* (A. Durdyýew). **9**. Gizlemek, ýaşyrmak. *Kem-käs ýalbaraýyn-da, etjek işimi öz ýanymda saklaýyn* (B. Kerbabaýew). **10**. Tussag etmek, tutmak. *Jenaýatkäri saklamak.*

**SAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Saklamak ýagdaýy.

**SAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Aýawly tutmazlyk, aýamazlyk.

**SAKLANMAK**,*işl.* **1**. Özüňi saklamak, özüňe erk edip bilmek, özüňe buýurmak. *Her niçik-de bolsa, mugallym saklanyp: – Käýinmek gerek däl! – diýip ýüzlendi* (N. Pomma). **2**. Aýak çekmek, durmak, daýanmak. *Ol yzyna seredip saklandy.* **3**. Bir ýerde az-kem eglenmek. *Gelen myhman başlygyň kabulhanasynda birneme saklandy. Men köpräk saklanaýdym öýdýän, indi beri gaýdaýyn*. **4**. Idedilmek, eklenmek. *Dynç alyş öýündäki çagalar gowy saklanýar*. **5**. Bar bolmak, bolmak. *Zyýanly duzlaryň toprakda köp mukdarda saklanýandygy tejribe üsti bilen barlandy.* **6.** Ýygnalyp goýulmak, aýalyp goýulmak. *Gymmatly golýazmalar ýörite jaýlarda saklanýar. Tohumlyk bugdaýlar ýörite ammarlarda saklanýar.* **7**. Öňünde durup bilmek, çydam etmek. *Bent sil suwunyň öňünde saklanaýsa ýagşydyr.* **8**. Ýerine ýetirilmek, berjaý edilmek. *Işde tertip-düzgün saklanýar.* **9**. Ýygnakda garşy bolubam, tarapdar bolubam ses bermezlik. *Şu meseläni kabul etmeli diýen teklibe garşy, saklanan barmy?* **10**. Goralmak. *Goraghanalar berk saklanýar*. **11**. Zaýalanman durmak, gowy durmak, üýtgemezlik. *Ýapan hyýarlarym gowy saklanypdyr*. **12**.Garrylygyna garamazdan, bedeni, durky, guruwy gaty üýtgemezlik. *Ol garrar ýaly däl, gaty gowy saklanypdyr*.

**SAKLAŞMAK**, *işl.* **1**. Saklamaga kömekleşmek. *Baş öwredilýän atyň jylawyndan tutup saklaşdy. Çaga saklaşmak.* **2**. Bilelikde saklamak, saklap durmak. Agyr zady elinizde saklaşyp durmaň, ýerde goýuň.

**SAKLATMAK**, *işl.* Saklamak işini başga birine etdirmek; saklamaga mejbur etmek; saklamaga mümkinçilik bermek, saklamaga ýol bermek. *Puly bankda saklatmak. Kitaplary ýerde goýdurma, az wagtlyk elinde sakladaý.*

**SAKLAW** [saklow], *at.* Gorap saklamak üçin goýlan topar, gorag. *Olaryň daşlarynyň saklawlary öňküsinden gowşamaýardy* (A. Gowşudow).

**SAKLAWLY** [saklowly], *syp.* Saklawy bar bolan, goragly. *Oýuň töweregi saklawlydy* (Ý. Mämmediýew).

**SAKLAWSYZ** [saklowsuz], *syp.* Goralyp saklanmaýan, goragsyz. *Gawun ekilen oýtagy saklawsyz goýmak bolmaz.*

**SAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Saklamak ýagdaýy.

**SAKLYK**, *at.* Sak häsiýetlilik, eserdeňlik, hüşgärlik.

**SAKMAN**, *at.* Guzuly goýunlar topary. *Guzuly goýunlar uly sakmana, kiçi sakmana, kämahallar orta sakmana bölünýär.*

**SAKSYZ**, *syp.*, *gepl.d.* Sakçysyz, saklanmaýan.

**SAKY** [sa:ky], *at.* Meýlislerde arak-şerap guýup berýän adam. *Gurup eşret üçin mejlis, pyýala tutdy sakylar* (Gaýyby). *Şeýle ajap saky ol, şowhun berýär giň jaýa, Oň aksakgal bolşuny diýsem, uly hekaýa* (M. Seýidow).

**SAKYLYK** [sa:kylyk], *at.* Sakynyň käri, ýagdaýy; saky bolmaklyk.

**SAKYNDYRMAK** [sakynnyrmak], *işl.* Sakynmaga mejbur etmek, sakynmagyna sebäp bolmak, sakynmak katdyna ýetirmek. *Ol adamyň hyrsyz keşbi oglanjygy sakyndyrdy.*

**SAKYNJYRAMAK,** *işl.* Sakynybrak geplemek. *Ol ýylnandan soň, bu wagtlar näme üçin gelendigini howlukman, käýerde sakynjyrap, käýerde sözleri gaýtalap, ýaşula gürrüň berdi* (B. Seýtäkow).

**SAKYNMA**,*iş ady.* Sakynmak ýagdaýy.

**SAKYNMAK**,*işl.* Gepläp durkaň birden sözüň arasyny bölüp-bölüp aýtmak. *Zordan goşa bardy, ak tamdy ýüzi, Haşylap sakynýar, sakaw dek özi* (Ç. Gurbangylyjow).

**SAKYNMAKLYK**, *iş ady.* Sakynmak ýagdaýy.

**SAKYNMAZLYK**, *iş ady.* Sakynyp geplemezlik.

**SAKYNYBERMEK** [sakynyvermek] *işl.* Sakynyp ugramak..

**SAKYNYŞ**, *iş ady.* Sakynmak ýagdaýy.

**SAKYNYŞMAK,** *işl.* Bilelikde sakynmak (birden köp bolup). *Kimden gorkýarsyňyz, ýöne sakynyşyp dursuňyz.*

**SAKYRDABERMEK** [sakyrda:vermek], *işl.* Sakyrdap ugramak.

**SAKYRDAMA**,*iş ady.* Sakyrdamak ýagdaýy.

**SAKYRDAMAK**, *işl.* Dyngysyz gürlemek, arasyny üzmän köp geplemek; ýaňramak. *Men sakyrdap, seni güýmäp durmaýyn.*

**SAKYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Sakyrdamak ýagdaýy.

**SAKYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Sakyrdap oturmazlyk, köp gürlemezlik. *Oglanlar, ozalam kelläm agyryp dur, sakyrdaman otursaňyzlaň.*

**SAKYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup sakyrdamak. *Şonuň üçin ol bular bilen kän sakyrdaşyp oturmady.*

**SAKYRDATMAK**, *işl.* Sakyrdamaga mümkinçilik bermek. *Näme ony sakyrdadyp otyrsyň?*

**SAKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Sakyrdamak ýagdaýy.

**SAKYRDY,** *at.* Dyngysyz gürrüň, yzy üzülmeýän, gutarar ýerde gutarmaýan manysyz gürrüň. *Elini salgady-da, onuň sakyrdysyna gulak asman, ýüzüniň ugruna ýöräp gitdi* (B. Kerbabaýew).

*Diýdi: – Dogan, sakyrdyň, Halys ýüregime düşdi* (M. Garryýew).

**SAKYR-SAKYR: sakyr-sakyr etmek** *ser.* **Sakyrdamak**. *Ýaňky adam pil diýip gelipdir-de, sakyr-sakyr edip, gulak etimi iýdi* (B. Seýtäkow).

**SAKYRTGA**,*at.* Mallaryň bedenine ýapyşyp, gan sorup ýaşaýan köp aýaklyja möjejik. *Sähelçe hapaçylyk bolsa, sakyrtga peýda bolýar* (K. Berdiýew). *Günleriň birinde bir göle, bir geçi we bir sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykanlar* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Sakyrtga dönmek** mydama biriniň ýanyndan aýrylman ýöremek. *Edil sakyrtga döndi, ýapyşdy, aýrylmady.* **Sakyrtga sykan ýaly** önümsiz. **Sakyrtga ýaly bolup** dynnym ýaly bolup, dynnym ýaly halyna. *Sakyrtga ýaly bolup, iş diýip ýapyşyp ýatyr*.

**SAKYRTGALABERMEK** [sakyrtgala:vermek], *işl.* Sakyrtga düşüp başlamak. *Hapa ýatakda janawarlar sakyrtgalaberdi.*

**SAKYRTGALAMA**, *iş ady.* Sakyrtgalamak ýagdaýy.

**SAKYRTGALAMAK**, *işl.* Sakyrtga düşmek, sakyrtga basmak. *Ýaş köşekler sakyrtgalapdyr.*

**SAKYRTGALAMAKLYK,** *iş ady.* Sakyrtgalamak ýagdaýy.

**SAKYRTGALAMAZLYK,** *iş ady.* Sakyrtga düşmezlik.

**SAKYRTGALATMAK,** *işl.* Sakyrtgalamagyna ýol bermek, sakyrtga düşer ýaly etmek. *Düýeleriň ýatagyna seretmän, olary sakyrtgaladypdyrlar.*

**SAKYRTGALAÝYŞ**, *iş ady.* Sakyrtgalamak ýagdaýy.

**SAKYZ**, *at.* Kepbegöwen, garnaýyç ýaly käbir ösümliklerden alynýan ýa-da olardan çykýan we senagatda ulanylýan şepbeşik önüm. *Şükür bazar güni çaýhanadaky bagşynyň gyjakçysyndan kemençä çalar ýaly sakyz diledi* ("Edebiýat we sungat")

**SAL** [sa:l] **I**, *at.* **1**. Gapanyň iki ýaý görnüşli agzyny gysyp durýan ýasy polat ýaýjyk. *Gapan ýazypdyr, emma onuň üsti boşdy, gapanyň salyndan diňe bir zat sallanyp durdy welin, ol oda köselen goýun aýagyna meňzeýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Işilen sapagyň we ş.m. zadyň bir dini, gaty.

◊ **Saly gowşak** tapdan düşen, özüne gurp edişi pes. **Salyna (taryna) kakmak** gürrüň üsti bilen biriniň pikirini ýa-da bir zady aňlajak bolmak, synap görmek, barlap görmek.

**SAL** [sa:l] **II**, *at.* Suwda ýüzmek, suwdan geçmek üçin biri-birine berkidilip ýasalan birnäçe agaç. *Ýolagçylar teriň suwda, Kä "naw, taýmyl, sal" diýip aglar* (Zelili).

◊ **Salyň agmak** ýagdaýyň agyrlaşmak, halyň harap bolmak. **Saly (jany) suw üstünde** galagoply ýagdaýda, howatyrly halda, gorky astynda. *Ol kömek etmekden-ä geçen, özüniň saly suw üstündedi.*

**SAL** [sa:l] **III,** *at, k.d..* Ýyl; ýaş. *Ömür saly artar alkyş alanyň* (Magtymguly). *Güýç-kemala ýetişdiň, bardyň ýigrimi sala* (Aşyky).

**SALA** [sala:], at. Geňeş, maslahat. **Sala salmak** geňeş etmek, maslahat salmak. *Ýaşululara sala saldyk.* **Sala salşyk** döwlet durmuşynyň haýsydyr bir möhüm meselesi boýunça ählihalk ses berlişigi.

**SALAJYN: agzyňy salajyn goýberme** "agzyňa gelenini aýdyp, paýyş sözläp durma" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**SALAM** [sala:m], **1**. *at.* Birine duşanyňda saglyk-amanlyk soraşmak üçin aýdylýan ýüzlenme sözi (*ser.* **Salawmaleýkim**). *Salam, mugallym. Salam, okuwçylar!* **2**. Dostluk duýgusyny aňladýan dabaraly gutlag sözi. *Bäsleşige gatnaşyjylara ýalkymly salam!*

◊ **Salam (salamyny) almak** özüňe salam beren adamyň salamyna "Salam" diýip, gaýtargy bermek. **Salam bermek** öňüňden çykan ýaşula, tanşyňa we beýleki duşan adama "Salam!" diýip aýtmak. **Salam haty** uzak ýerden öz ýagdaýlaryň bilen tanyşdyrmak we salam iberýän adamyň hal-ýagdaýyny soramak üçin iberilýän hat. **Salam ibermek** başga birinden öz tanaýan ýakyn adamlaryňa salam sözüni ýollamak. *– Salam iberenem, salam getirenem sag bolsun.* **Salam getirmek (gowşurmak)** aýdylan salamy iberilen adama dil üsti bilen ýetirmek.

**SALAMAT** [sala:mat], *hal.* **1**. Aman-sag, sag-gurgun, aman-esen, sag-aman; parahat. *Istär ki gözel ýary, gördüm ki salamatdyr* (Mollanepes). **2**. Oglana dakylýan at.

**SALAMATLYK** [sala:matlyk], *at.* Aman-saglyk, sag-gurgunlyk, aman-esenlik, sag-amanlyk; dynçlyk, parahatlyk. *Saglyk, salamatlyk bir-bir sordular, Durmaň, ulug jaýa ýörgül diýdiler* (Magtymguly).

**SALAMÄLIK** [sala:mä:li:k], *at.* Aýal maşgalanyň özünden ululara berýän salamy. *Gartaşan aýal: – Salamälik! – diýip, öýe girdi.*

**SALAM-HELIK** [sala:m-heli:k], *at.* Biri bilen duşulanda alşylýan salam, salamlaşma. *Garry ene: "Indiki ýaşlaryň birentegi salam-heligi-de bilenok" diýip zeýrendi.*

**SALAMLAŞMA** [sala:mlaşma], *iş ady.* Salamlaşmak ýagdaýy.

**SALAMLAŞMAK** [sala:mlaşmak], *işl.* Birine salam bermek, salamyny almak; saglyk-amanlyk soraşmak.

**SALAMLAŞMAZLYK** [sala:mlaşmazlyk], *iş ady.* Salam alyşmazlyk, sag-gurgunlyk soraşmazlyk.

**SALAMLAŞYBERMEK** [sala:mlaşyvermek], *işl.* Salamlaşyp başlamak. *Sen ol otagdakylar bilen salamlaşyber, menem häzir yzyňdan bararyn.*

**SALAMLAŞYŞ** [sala:mlaşyş], *iş ady.* Salamlaşmak ýagdaýy.

**SALAMNAMA** [sala:mna:ma], *at, k.d., ser.* **Salam: salam haty**. *Mejnunyň atasy oňa salamnama ýazdyrdy we ony bir adamdan iberdiler* ("Leýli – Mejnun").

**SALATY**, *syp.* Ýurtýykan, bozuk, ýaramaz (aýal hakynda).

**SALATYN** [sala:tyn], *at, kön.s.* Soltan, patyşa; hökümdar, hakim.

◊ **Salatyn boýly** uzyn, görmegeý, syratly. *Bir salatyn boýlym sallanyp geldi* ("Saýatly – Hemra").

**SALAWAT** [salowa:t], *at.* **1**. Alkyş. *Münen aty ýer böwsen, Geýen dony gül öwsen, Gidende çapar*

*atly, Gelende salawatly* (Halk döredijiliginden). **2**. Oglana dakylýan at.

**SALAWMALEÝKIM** [salowma:leýkim], *at.* Erkek adamlaryň biri-birine duşanda berýän salamy. *Diňe Nurulla golaý gelip: – Salawmaleýkim, Magtymguly aga! – diýip, ýylgyryp, elini uzadandan soň, tanyş sypat huşuna geldi* (G. Kulyýew).

**SALÇY** [sa:lçy], *at.* Sal sürýän adam.

**SALDAM** [sallam], *at.* **1**. El bilen göterilip görlende duýulýan agram, agyrlyk. *Daşyna solak gyzyl gülli çit çekilen galyň kitap ellerine saldam berip dur* (N. Saryhanow). **2**. Agyrlygyň öz-özünden salýan agramy. *Agyr gozalar öz saldamyna yranýardy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Saldamyna goýbermek** öz ugruna, öz badyna, öz hereketine goýbermek. *Sen byçgyny öz saldamyna goýbereňok!* (B. Kerbabaýew).

**SALDAMLAMAK** [sallamlamak], *işl., ser.* **Saldarlamak**.*Sen şol towugy maňa ber, men bir saldamlap göreýin – diýipdir* ("Türkmen halk ertekileri").

**SALDAMLY** [sallamly], *syp.* **1**. Ele saldam berýän, agram salýan, agramy duýulýan. *Şol ýükler onçakly gaba bolmasa-da, örän saldamly görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Paýhasly, salyhatly, ýerlikli (ýöreýiş, sözleýiş, hereket we ş.m. hakynda). **3**. Önjeýli, ep-esli. *Saldamly goşant.*

**SALDAMLYLYK** [sallamlylyk], *at.* **1**. Saldamly bolmaklyk, saldamy barlyk. **2**. *göç.m.* Agraslyk, salykatlylyk, ýerliklilik (ýöreýiş, sözleýiş, hereket we ş.m. hakynda). *Ol örän saldamlylyk bilen söze başlady.*

**SALDAMLYRAK** [sallamlyra:k], *syp.* Bolmalysyna seredeňde agramlyrak, agramy köpräk.

**SALDAR** [sallar]**: saldar almak** çyban, beze ýaly çykuwlar zarbygyp, sorkuldap agyryp ugramak.

**SALDARLABERMEK** [sallarla:vermek], *işl.* **1**. Agramyny çaklap görübermek. **2**. *göç.m.* Öz pikiriňdeaýlap görübermek.

**SALDARLAMA** [sallarlama], *iş ady.* Saldarlamak ýagdaýy.

**SALDARLAMAK** [sallarlamak], *işl.* **1**. Ele alyp, agramyny çaklamak, bir zady eliňe alyp, agramyny barlap görmek. *Näme diýjegini bilmän, gawuny eline alyp, saldarlap gördi* (H. Garabaýew). **2**. *göç.m.* Öz pikiriňde aýlap görmek, dogrulygy, nädogrulygy hakda oýlanyp, paýhas edip görmek.

**SALDARLAMAKLYK** [sallarlamaklyk], *iş ady.* Saldarlamak ýagdaýy.

**SALDARLAMAZLYK** [sallarlamazlyk], *iş ady.* Saldarlap görmezlik.

**SALDARLANMAK** [sallarlanmak], *işl.* **1**. Agramy barlanyp görülmek. **2**. *göç.m.* Oýlap-ölçäp görülmek.

**SALDARLAÝYŞ** [sallarlaýyş], *iş ady.* Saldarlamak ýagdaýy.

**SALDYRMAK** [sallyrmak], *işl.* Salmak işini başga birine etdirmek, salmaga mümkinçilik döretmek, ýol bermek. *Isgender, Jemşit saldyran, Beýik binalar görüner* (Magtymguly). *Patyşa şäherden sesýetim uzakda, görnükli ýerde belent minara saldyrypdyr* ("Myraly"). *Indi ýumruk ýaly çagalara kesek saldyrýaňmy?*

**SALGABERMEK** [salğa:vermek], *işl.* Salgap ugramak. *Aty görenden ýaglygyny salgaberdi.*

**SALGAMA** [salğama], *iş ady.* Salgamak ýagdaýy. *El salgama nämä gerek, özi gördi ahyry.*

**SALGAMAK** [salğamak], *işl.* **1**. Eliňi ýa-da eliňdäki zady howada bulaýlamak, galgatmak, hereket etdirmek. *Märekäniň aňry çetinde duran bir adam maňa elini salgap, ýanyna çagyrdy*. **2**. Eliňi ýa-da eliňdäki gamçyny, taýagy urulmakçy bolunýan adama, ata we ş.m. tarap gönükdirip bulaýlamak. *Maňa eliňi salgarça sen kimmişiň?! Gamçyny ata salgamak.* **3**. "Diýilýän zada pitiwa edemok, ony oňlamok, kabul edemok" diýen manyda eliňi yzlygyna bulap goýbermek. *"Işine gaty ökde diýilýan adam siz bilen işleýärmi?" diýip soradym weli, ol ýüz-gözüni bürüşdirip, elini salgap goýberdi.*

**SALGAMAKLYK** [salğamaklyk], *iş ady.* Salgamak ýagdaýy.

**SALGAMAZLYK** [salğamazlyk], *iş ady.* Elini ýa-da elindäki zady howada bulaýlamazlyk, galgatmazlyk.

**SALGAŞMAK** [salğaşmak], *işl.* Biri-birine tarap ellerini galgatmak. *Olaryň biri-birine ellerini salgaşyp, janygyp sözleşmekleri hem şony tassyklaýardy* (B. Kerbabaýew).

**SALGATMAK** [salğatmak], *işl.* Salgamaga ýol bermek. *Oňa özüňe elini salgadyp durma* (*salgamak* sözüniň 3-nji manysy boýunça).

**SALGAÝYŞ** [salğaýyş], *iş ady.* Salgamak ýagdaýy.

**SALGY** [salğy], *at.* **1**. Ugur ýa-da bir ýer soralanda berilýän maglumat, ugur görkezme. **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň ýerleşýän ýeriniň nyşany, aýratynlygy, bellär ýaly alamaty. *Onuň täze gala, kimiňkä gidenini salgy alyp, Gandym aksakgal şol tarapa at goýdy* (A. Gowşudow). **3**. Poçta üsti bilen iberilýän hatyň we beýleki zatlaryň ýüzüne barjak ýeriniň we iberilýän zady aljak adamyň, edaranyň we ş.m. ady görkezilen ýazgy. **4**. Ýaşalýan ýeriň, jaýyň ýa-da edaranyň, kärhananyň, guramanyň ýerleşýän ýeri.

**SALGYHANA** [salğyha:na], *at.* Adamlaryň ýaşaýan we edaralardyr guramalaryň ýerleşýän ýeri hakynda maglumat berýän ýörite edara.

**SALGYLANMA** [salğylanma] **1**. *iş ady.* Salgylanmak ýagdaýy. **2**.*at.* Köplenç, ylmy işlerde bir pikiri delillendirmek, anyklamak üçin gorkezilýän başga bir çeşme.

**SALGYLANMAK** [salğylanmak], *işl.* Köplenç, ylmy işlerde bir pikiri delillendirmek, anyklamak üçin başga bir çeşmä ýüzlenmek. *Birnäçe mysallara salgylanalyň!*

**SALGYLANMAKLYK** [salğylanmaklyk], *iş ady.* Salgylanmak ýagdaýy.

**SALGYLANMAZLYK** [salğylanmazlyk], *iş ady.* Anyklamak üçin ikinji bir zada ýüzlenmezlik. *Statistiki maglumatlara salgylanmasaň hem ak*

*mermerli Aşgabadyň keşbini görüp, haýran galýarsyň* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**SALGYLANYLMAK** [salğylanylmak], *işl.* Anyklamak üçin beýleki bir zada ýüzlenmek. *Işde görnükli alymlaryň işlerine salgylanylypdyr.*

**SALGYLANYŞ** [salğylanyş], *iş ady.* Salgylanmak ýagdaýy.

**SALGYM** [sa:lğym], *at.* **1**. Köplenç, günortanyň tüp yssy wagty gözýetimiň aňyrsynda ýok ýerden giden suwly ýeriň sudurynyň görünmegi arkaly ýüze çykýan hyýaly şekil. **2**. Bir zadyň ýalan, bolup bilmejek alamaty.

◊ **Salgyma çapmak (kowalaşmak)** bir zadyň anygyna ýetmän hereket etmek, biderek selpemek, zähmet çekmek. **Salgym atmak** salgymlap çala görünmek, ümezläp görünmek. *Öýleriň hemmesi salgym atyp göründi* (N. Saryhanow). *Alys ýerden salgym atyp gözel jaý, Diýdirýär hiç ýerde ýokdur muňa taý* (A. Kekilow).

**SALGYMLAMA** [sa:lğymlama], *iş ady.* Salgymlamak ýagdaýy.

**SALGYMLAMAK** [sa:lğymlamak], *işl.* Salgym atyp görünmek, daşdan çala görünmek, ümezläp görünmek. *Oba salgymlap görünýär.*

**SALGYMLAMAKLYK** [sa:lğymlamaklyk], *iş ady.* Salgymlamak ýagdaýy.

**SALGYMLANMAK** [sa:lğymlanmak], *işl.* Daşdan çala görünmek, salgymlap görünmek. *Üç-dört sany ot küdesi çala salgymlanyp görünýärdi* (G. Kulyýew).

**SALGYMLAÝYŞ** [sa:lğymlaýyş], *iş ady.* Salgymlamak ýagdaýy.

**SALGYT** [salğyt], *at.* **1**. Döwletiň kanun tarapyndan kesgitlenen düzgünlere laýyklykda kärhanadan, edaradan, adamlardan alýan hökmany ýygymy. *Girdeji salgydy. Goşmaça gymmat salgydy.* **2**. Gyzyň hossary tarapyndan gelin edinjek tarapa gyz üçin talap edilýän töleg, galyň. *Sawçylar gyzyň salgydyny soranda, Gül şu aşakdakylary sanapdyr* ("Myraly").

**SALGYTÇY** [salğytçy], *at.* Salgyt, ýygym ýygnamak işini alyp barýan adam.

**SALHAM-SAJAK** [salham-sa:jak] *ser.* **Sallam-sajak**.

**SALKYM**,*at.* Üzümiň bir sapakda ýerleşen topbagy, hoşasy. *Bir salkymyň datmadyk, Çeker arman, halyly* (M. Garryýew).

**SALKYN I**, *syp.* Mylaýym, aram, sergin howa. *Yssy günler her kim salkyn ýeri agtarýar* (A. Gurbanow).

◊ **Salkyn düşmek** howanyň yssysy sowlup, mylaýym, sergin howa peýda bolmak. *Agşam salkyny düşdi.*

**SALKYN II**, *at.* Ertirden günorta, öýleden gün ýaşýança wagt aralygy, günüň birinji ýarymy ýa-da günüň ikinji ýarymy. *Ata bu salkynda ondan göni iki kilogram pagtany artyk ýygypdyr* (B. Pürliýew).

**SALKYNLABERMEK** [salkyn-la:vermek], *işl.* **1**. Salkyn bolup başlamak. **2**. Salkyn ýerde dem-dynç almaga başlamak. *Sen şu ýerde otur-da salkynlaber.*

**SALKYNLAMA,** *iş ady.* Salkynlamak ýagdaýy. *Gün öýlä saýdygy howa salkynlama bilen boluberýär.*

**SALKYNLAMAK,** *işl.* **1.** Salkyn bolup başlamak, salkyn howa aralaşmak, salkyn düşmek. *Howa salkynlap başlady*. **2**. Salkyn ýerde, salkyn howada dem almak. *Salkynlaýyn diýip düşek atdym* ("Görogly").

**SALKYNLAMAZLYK**, *iş ady.* Salkyn bolup başlamazlyk.

**SALKYNLAŞMAK**, *işl.* Dura-bara salkynlamak, birneme salkyn howa aralaşmak, serginleşmek. *Gündiziň gyzgyn howry sowlup, gije salkynlaşypdy* (B. Kerbabaýew). *Günem ýaşdy, Aý nur saçdy, Salkynlaşdy Aşgabat* (R. Seýidow).

**SALKYNLATMAK**,*işl.* Howany öňküsinden salkyn etmek. *Ýagan ýagyş howany birneme salkynlatdy.*

**SALKYNLAÝYŞ**, *iş ady.* Salkynlamak ýagdaýy.

**SALKYNLYK I**, *at.* Salkyn ýagdaýda bolmaklyk, aramlyk, serginlik. *Gyzgyn howanyň deregine salkynlyk aralaşdy.*

**SALKYNLYK II**, *syp.* Ertirden günortana, öýländen gün ýaşýança wagt aralygy (iş hakynda). *Bir salkynlyk iş.*

**SALKYNRAK** [salkynyra:k], *syp.* Biraz salkyn. *Salkynrak ýer.*

**SALLABERMEK** [salla:vermek], *işl.* Sallap başlamak, ýokardan aşaklygyna goýberip başlamak. *– Indi sallabereýinmi? – diýip, ýokardan gygyrdy.*

**SALLAH**, *syp.* Aýaly bolmadyk, aýalsyz.

**SALLAHÇYLYK**, *at, ser.* **Sallahlyk**.

**SALLAHLYK**,*at.* Sallahyň ýagdaýy, aýalsyzlyk. *Ol iş-alada bilen özüniň sallahlygyna-da onçakly parh goýmaýardy* (B. Kerbabaýew).

**SALLAMA**, *iş ady.* Sallamak ýagdaýy.

**SALLAMAK**, *işl.* **1**. Bir zady ýüpe baglap, ýokardan aşaklygyna goýbermek. *Gowany guýa sallamak.* **2**. Adamyň elinden ýa aýagyndan tutup, ýa-da eline, aýagyna ýüp daňyp, asyl-asyl edip goýmak; aşaklygyna goýbermek. *Başaşak sallamak. Çuň çukura sallamak. Gaýadan aşaklygyna sallamak.*

**SALLAMAKLYK**, *iş ady.* Sallamak ýagdaýy.

**SALLAMAZLYK**, *iş ady.* Sallamak işini etmezlik.

**SALLAM-SAJAK** [sallam-sa:jak], *hal.* Sallanyşyp duran, sal-sal bolan, eleşan, salham-sajak. *Ol başy börükli, gyňajyny horazyň guýrugy ýaly sallam-sajak edip ýördi* (A. Durdyýew).

**SALLANÇAK**, *at.* **1**. Içine ýaş çaga salnyp üwrelýän enjam. *Gülzar aglap başlan ogluny sallançakdan aldy, ýassyga gyşaryp ýanap başlady* (B. Soltannyýazow). **2**. *gepl.d.* Hiňňildik, bat. *Ol gyz-da sallançak uçýar welin, goltugyndan şaýlar goýurt-goýurt ediberen* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Sallançagyny üwrän ýaly** äsgermezlik, özüçe görmezlik. **Sallançak bagy** sallançagy üwremek üçin nagyş salnyp örülen ýa-da işilen inçe ala ýüp.

**Sallançak kilim** sallançak etmek üçin ýörite nagyşlanyp dokalýan kilim. **Sallançak ýüpi** sallançak gurmak üçin işilen ýa-da örülen ala hem ýogyn ýüp.

**SALLANJYRABERMEK** [sallanjyra:vermek], *işl.* Sallanjyrap başlamak.

**SALLANJYRAMA**, *iş ady.* Sallanjyramak ýagdaýy.

**SALLANJYRAMAK**, *işl.* Sallanybrak, ýüzüňi aşak salyp ýöremek, süýnüp-sarkyp näzli ýöremek. *Onuň aý ýaly ýüzi, sallanjyrap ýöreýşi Soltansöýnüň bütin durmuşyny özüne çekipdir* ("Myraly").

**SALLANJYRAMAKLYK**, *iş ady.* Sallanjyramak ýagdaýy.

**SALLANJYRAŞMAK**, *işl.* Bilelikde sallanjyramak. *Gyz-gelinler giň köçe bilen sallanjyraşyp barýardylar.*

**SALLANJYRAÝYŞ**,*iş ady.* Sallanjyramak ýagdaýy.

**SALLANMA**,*iş ady.* Sallanmak ýagdaýy.

**SALLANMAK**,*işl.* **1**.Ýokardan aşaklygyna goýberilmek. **2**. Özüňi beýik ýerden aşak goýbermek. *Ol erik agajynyň berdaşly şahasyndan sallanyp ýere düşdi.* **3**. Çala ýere bakybrak, aýagyňy ýuwaşlyk bilen ýerden göterip ýöremek. *Bag içine ýar sallanyp girende, Bilbiller saýramaz, haýrana galar* (Mollanepes). **4**. Sallangy ýagdaýda bolmak, asylyp durmak. *Bişen iri-iri armytlar sapagyndan sallanyp, şahalarynyň başyny aşak egipdir.*

**SALLANYŞ**,*iş ady.* Sallanmak ýagdaýy.

**SALLANYŞMAK**,*işl.* **1**.Köp zat sallanyp durmak. *Käsi suw kädi, käsi süýt kädi sypatynda dürli reňkdäki armytlar şahalarda sallanyşyp görünýär* (B. Kerbabaýew). **2**. Birnäçe bolup sallanyp ýöremek (*ser.* **Sallanmak 3**).

**SALLAŞMAK**, *işl.* Sallamaga kömek etmek. *Guýa gowa sallaşyp, suw çekişmek.*

**SALLATMAK**, *işl.* Sallamak işini başga birine etdirmek. *Guýa bedre sallatmak.*

**SALMA I**, *iş ady.* Salmak ýagdaýy.

**SALMA II**, *at.* Ekin ýerlere suw tutmak üçin ene ýapdan bölünip gidýän kiçi ýap, aryk.

**SALMAK, *işl.*** **1**.Jaý, ymarat we ş.m. bina etmek, gurmak. *Bu görünýän owadan jaýlaryň köpüsini şol salypdy* (B. Pürliýew). **2**. Bir zadyň içinde goýmak, içinde, iç ýüzünde ýerleşdirmek, gapgarmak. *Gap böwürde Akgyz köne horjuna çaý, çörek, tüňçe, käse salyp, garabaşyna gaý bolup otyrdy* (G. Kulyýew). **3**. Işe, okuwa, bir wezipä we ş.m. ýerleşdirmek, kabul etdirmek. *Ony ol ýerdäki pagta arassalaýan kärhana eltip işe saldym* (B. Seýtäkow). **4**. Bir zady ikinji bir zada geýdirmek, dakmak. *Ýabynyň rişmesini salyp, aýagyny çözdi* (A. Durdyýew). **5**. Bir zady bir tarapa batly zyňmak, taşlamak. *Çagalar ellerine gar tokgalap, oňa salýardylar* (A. Gowşudow). *Onuň yzyndan kesek saldy.* **6**. Nyşan, bellik etmek. *Tagma salmak.* **7**. Ýazmak, düşek atmak. *Düşek salyň, ýatalyň.* **8**. Ötürmek, içine girizmek. **9**. Toý ýerine eltilen sowgat üçin onuň gaýtargysy hökmünde bir zat bermek. *Gelin toýuna köýneklik, ýüň gyňaç äkitdim, yzyna bir öwsüm pişme bilen ýüň ýaglyk salypdyrlar.* **10**. Kömekçi işlik hyzmatynda öňünden gelýän isimleriň manysy bilen baglanyşykly hereketi aňladýar: **At salmak** çapmak, gaty ylgamak. *Bedew ölse, meýdan galar armanly, Hak yşkyna at sal meýdan ýoluksa* (Magtymguly). **Diň salmak** biriniň ýa-da bir zadyň sesini eşitjek bolup ünsli diňlemek. **Gulak salmak** biriniň aýdýan zadyny eşitmek üçin diňlemek. **Maslahat salmak** biriniň maslahatyny isläp, oňa ýüz tutmak. *Ýoldaşyma maslahat saldym.* **Nazar salmak** Allanyň nazary eglenip, nury çaýylmak. *Biziň ýurdumyz Allanyň nazar salan ýurdudyr.*

**SALMAKLYK**, *iş ady.* Salmak ýagdaýy.

**SALMAZLYK**, *iş ady.* Salmak işini ýerine ýetirmezlik.

◊ **Göz salmak** ser salmak, göz aýlamak. *Ýarsyzlykdan ýaman iş ýok, Göz salyp gezsem her ýana* (Magtymguly). **Gözden salmazlyk** ünsden düşürmezlik, göz-gulak bolup durmak. *Halaýyklar gözden salmaz ýaşyny,Tanyşar, soraşmaz kowmy-hyşyny* (Magtymguly).

**SALPARMA**, *iş ady.* Salparmak ýagdaýy.

**SALPARMAK**, *işl.* Belli bir sebäbe görä aşak sallanyp durmak, gowşamak. *Atlaryň bilçekileri salparypdyr.*

**SALPARMAKLYK**, *iş ady.* Salparmak ýagdaýy.

**SALPARMAZLYK**, *iş ady.* Salparyp durmazlyk. *Çekiniň salparmazlygy üçin onuň bilinden berk aýlap daňdy.*

**SALPARTMAK**, *işl.* Salparyp durar ýaly etmek. *Ýabysy näçe gulagyny salpartdygyça keýpi şonça kökdi* (A. Durdyýew).

**SALPARYBERMEK** [salparyvermek], *işl.* Salparyp başlamak. *Näme birden gulagyň salparyberdi-le?*

**SALPARYŞ**, *iş ady.* Salparmak ýagdaýy.

**SALPARYŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat salparyp durmak. *Atlaryň çekileri salparyşyp durdy* (B. Seýtäkow).

**SALPAÝAK**, *syp.* Ugursyz sölpüldäp ýören, kärsiz, işsiz. *Bu naýza her gezip ýören salpaýaga başartmaz* ("Görogly").

**SALPY**, *syp.* Aşak sallanyp, halka atyp duran, salparyp duran. *Onuň mähnet dor aty salpy gulaklaryny üşerdip, toýnagy bilen gum peşedi* (B. Kerbabaýew).

**SALPYRAK** [salpyra:k], *syp.* Birneme salpy.

**SAL-SAL** [sa:l-sa:l], *syp.* Ýyrtylyp sallanyşyp duran, ýyrtyk-ýyrtyk, eleşan. *Bu aralykda geýimi sal-sal bir adam geldi* (B. Seýtäkow).

**SALŞYKLY: salşykly çemçe** gezekleşikli durmuş, bir adamyň üstünde durmaýan ýagdaý. *Aglama, balam, aglama! Bu dünýä salşykly çemçedir* (B. Kerbabaýew).

**SALT**, *syp.* **1**. Ýaş çagasy bolmadyk, çagasyz (aýal). **2**. Guzusy, owlagy ölen (dowar).

**SALTYK**, *syp.* **1**.Çagasyz, çagasy ýok (aýal). *Pudak bagşy özüniň ýeňi ýoluk garypdygyny, bir dutary bilen Artyknyýaz diýen saltyk aýalyndan başga hiç zadynyň ýokdugyny aýdypdyr* (N. Pomma). **2**.

Guzlamaýan, guzusyz (goýun). *Saltyk goýunlaryň sürüsi.*

**SALYBERMEK** [sa:lyvermek], *işl.* Salyp ugramak, salyp başlamak.

**SALYHAT** [saly:hat], *at, ser.* **Salykat**.

**SALYK: ýüzi salyk** tukat halda, gaýgy-gussaly. *Otyr, ýüzi salyk, ynha jorasy, Bilýärdi, gelmäge ýokdy çäresi* (A. Kekilow). *Onuň ýüzi salyk, gaşlary çytykdy* (B. Pürliýew).

**SALYKAT** [saly:kat/saly:hat], *at.* Edep-ekram, adamkärçilik, sypaýyçylyk.

**SALYKATLANMA** [saly:katlanma / saly:hatlanma], *iş ady.* Salykatlanmak ýagdaýy.

**SALYKATLANMAK** [saly:katlanmak /saly:hatlanmak], *işl.* Edep-ekramly bolmak, adamkärçilikli, sypaýyçylykly bolmak.

**SALYKATLANMAZLYK** [saly:katlanmazlyk / saly:hatlanmazlyk], *iş ady.* Edep-ekramly bolmazlyk.

**SALYKATLANYBERMEK** [saly:katlanyver-mek], *işl.* Salykatly bolubermek.

**SALYKATLANYŞ** [saly:katlanyş / saly:hatlanyş], *iş ady.* Salykatlanmak ýagdaýy.

**SALYKATLY** [saly:katly / saly:hatly], *syp.* Edep-ekramly, adamkärçilikli, sypaýyçylykly. *Ýöne men şeýle bir salykatly gyza birden bir zat diýmäge utanýan* (A. Durdyýew). *Ýüregi açykdy, örän sadady, Gaty salykatly, asylzadady* (A. Kekilow).

**SALYKATLYLYK** [saly:katlylyk / saly:hatlylyk], *at.* Edep-ekramlylyk, adamkärçilikli bolmaklyk, sypaýyçylyklylyk. *Aňkar kim – beýle salykatlylyk kim?* (B. Kerbabaýew).

**SALYKATLYRAK** [saly:katlyrak / saly:hatlyrak], *syp.* Biraz salykatly. *Salykatlyrak hereket etseň, özüňe-de, töweregiňdäkilere-de gowy bolar.*

**SALYKATLYSYRAMAK** [saly:katlysyramak / saly:hatlysyramak], *işl.* Salykatly bolan bolmak, özüňi salykatly görkezjek bolmak. *Salykatlysyran bolsa-da, onuň elinden köp zat gelýändir.*

**SALYM**,*at.* Uzak bolmadyk wagt, pursat, möhlet. *Howa bijaý yssydy, az salym daşarda galsaň, essiň aýylýardy* (T. Gurbanow).

◊ **Salym bermezlik** ara wagt salman hereket etmek. *Salymyny bermän, duşman bilen garpyşdylar* (H. Derýaýew). **Salym salmak** ara wagt salmak, wagty gijikdirmek, birneme wagtyny uzaltmak. *Ol ara birnäçe salym salyp, meniň saglygymy soraşdyryp başlady.*

**SALYNMAK**, *işl.* **1**. Özüň üçin salmak, gurmak. *Özüňe jaý salynmak.* **2**. Bina edilmek, gurulmak. *Täze-täze ymaratlar salynýar.* **3**. Gapgarylmak, bir zadyň içinde ýerleşdirilmek. *Goşlar sandyga salyndy.*

**SALYR-SARYK** [salyr-sa:ryk]: **salyr-saryk ýoly** Mary sebitleriniň bagşylarynyň aýdym aýdyş usuly. *Bagşyçylygyň bu ýoluna jukguldy, hümmüldi häsiýetlidir.*

**SALYŞ**, *iş ady.* Salmak ýagdaýy.

**SALYŞDYRMAK**, *işl.* Bir ýanyndan salyp, gurup, ýerleşdirip başlamak. *Nabat eje onuň düşeklerini öýüne salyşdyrdy* (A. Durdyýew).

**SALYŞMAK**, *işl.* **1**. Salmaga kömek etmek. **2**. Bile salmak. **3**. *gepl.d.* Biri bilen dawalaşmak.

**SAMAÇAW** [samaçow], *at.* Boýunturuk agajynyň deşiklerinden sokulyp, malyň boýnunyň iki gapdalyndan geçirilýän gysga agaç. *Eýsem-de bolsa, öz işini çig galdyrmazlyk üçin, boýunturugyň samaçawlaryny öküzleriň alkymynyň aşagyndan daňypdyr* (B. Kerbabaýew).

**SAMAHYLLABERMEK** [samahylla:vermek], *işl.* Samahyllap başlamak, bolgusyz gürläbermek, ýaňrabermek. *Näme birden bolar-bolmaz zatlary samahyllaberdiň?!*

**SAMAHYLLAMA**, *iş ady.* Samahyllamak ýagdaýy.

**SAMAHYLLAMAK**, *işl.* Bolgusyz gürlemek, biderek, ugursyz gürrüň etmek, lakgyldamak, ýaňramak. *Sen beýdip köp samahyllap oturma-da, tizräk ugra.*

**SAMAHYLLAMAZLYK**, *iş ady.* Bolgusyz gürlemezlik, lakgyldamazlyk.

**SAMAHYLLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup samahyllamak, ýaňramak, bolgusyz zatlary aýtmak. *Häzir iş wagty, samahyllaşyp durmaga pursat ýok* (B. Kerbabaýew).

**SAMAHYLLATMAK**, *işl.* Samahyllamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek, bolgusyz gürletmek, lakgyldatmak.

**SAMAHYLLAÝYŞ**, *iş ady.* Samahyllamak ýagdaýy.

**SAMAHYLLY**,*at.* Ugursyz, bolgusyz, biderek gürrüň. *Nurjan onuň samahyllysyna çigit ýalyjak-da ähmiýet bermedi* (B. Kerbabaýew).

**SAMAN** [sa:man], *at.* Döwlen bugdaýyň, arpanyň we ş.m. owranan sypaly. *Gülälek ýapraklary bürşüp, solan otlaryň samany sargylt öwsüp, aýak astynda aýaz degen gar ýaly ykyrdaýardy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Saman astyndan suw goýberen** baryp ýatan mekir, hilegär. *Ol saman astyndan suw goýbereniň biridir.* **Saman kelle** akylsyz, akmak. *Belki, öz deň-duş oglanlary oňa: – Sen saman kelle – diýip igenerler* (B. Kerbabaýew).

**SAMANHANA** [sa:manha:na], *at.* Saman saklanýan jaý, tam, kepbe. *Pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli.*

**SAMMYK**, *syp.*, *gepl.d.*, *ser.* **Samsyk**. *Özüň ýaly sammykdyr öýdýärmiň?*

**SAMMYKLABERMEK** [sammykla:vermek], *işl.* Kimdir birine ugrunda ýok biderek sözleri aýdybermek. *Näme birden sammyklaberdiň?*

**SAMMYKLAÇ,** *syp.* Gepi-sözi ugursyz, samsyklaç.

**SAMMYKLAMA,** *iş ady.* Sammyklamak ýagdaýy.

**SAMMYKLAMAK,** *işl.* Kimdir birine ugrunda ýok biderek sözleri aýtmak. *Bagyşlaň, men ýersiz-ýere sammyklaýdym öýdýän* (R. Gelenow).

**SAMMYKLAMAKLYK,** *iş ady.* Sammyklamak ýagdaýy. *Şol ýerde sammyklamaklyk nämä gerekdi.*

**SAMMYKLAMAZLYK**, *iş ady.* Ugrunda ýok biderek sözleri aýtmazlyk.

**SAMMYKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup bilelikde sammyklamak. *Sammyklaşyp oturmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**SAMMYKLATMAK**, *işl.* Sammyklamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. G*owusy, ony sammyklatmaň!*

**SAMMYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Sammyklamak ýagdaýy.

**SAMMYKLYK**, *syp.* Sammygyň gylyk-häsiýeti, samsyklyk. *Ene, aý ene! Amanyň sammyklygyna seret-le!* (B. Kerbabaýew).

**SAMMYKSYRAMAK**, *işl.* Sammyk bolan bolmak.

**SAMMYLDABERMEK** [sammylla:vermek], *işl.* Sammyldap başlamak, ugursyz gürrüň aýdybermek. *Agzyňa gelenini sammyldaberme-de, işiň bilen bol.*

**SAMMYLDAMA** [sammyllama], *iş ady.* Sammyldamak ýagdaýy. *Günüň ýaryny bolgusyz sammyldama bilen geçirdiň.*

**SAMMYLDAMAK** [sammyllamak], *işl.* Bolgusyz, ugursyz zatlar hakynda sözlemek, ugursyz-utgasyz gürlemek. *Iň gowusy sammyldama-da, gowy sür-de ugra!* (G. Muhtarow).

**SAMMYLDAMAKLYK** [sammyllamaklyk], *iş ady.* Sammyldamak ýagdaýy.

**SAMMYLDAMAZLYK** [sammyllamazlyk], *iş ady.* Ugursyz zatlary gürlemezlik.

**SAMMYLDAŞMAK** [sammyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup sammyldamak. *Sammyldaşyp oturmakdan görýän peýdaňyz näme?*

**SAMMYLDATMAK** [sammyllatmak], *işl.* Kimdir birini bolgusyz gürletmek, sözletmek. *Şol oturany bir biderek sammyldatmaň, başlasa soňundan goýduryp bolmaz.*

**SAMMYLDAÝYŞ** [sammyllaýyş], *iş ady.* Sammyldamak ýagdaýy.

**SAMRAMA**, *iş ady.* Samramak ýagdaýy.

**SAMRAMAK**, *işl.* **1**. Gaty gyzdyryp ýa-da düýşürgäp ýatan adamyň aýdýan her hili sözleri. *Belki ýatanda düýşünde-de şeýle sözler samraýandyr* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Bolgusyz, biderek gürrüň etmek, boş samahyllamak, ýaňramak, sammyldamak. *Ýigit bardyr, sana geçmez, Samrar otyr, üýni öçmez* (Mollamurt).

**SAMRAMAKLYK**, *iş ady.* Samramak ýagdaýy. *Gerekli-gereksiz samramaklygyň soňy abatlygyň üstünden eltmez.*

**SAMRAMAZLYK**, *iş ady.* Düýşüňde alasarmyk sözler aýtmazlyk, biderek gürrüň etmezlik.

**SAMRAŞMAK**, *işl.* Köp bolup, bilelikde samramak.

**SAMRATMAK**, *işl.* Samramak derejesine ýetirmek, samramagyna sebäp bolmak, samramaga mejbur etmek. *Agyr gyzamyk çykarýan çagajygyň gyzgynynyň gaty galmagy ony samradyp ugrady.*

**SAMRAÝYŞ**,*iş ady.* Samramak ýagdaýy.

**SAMSAM**,*at.* Samsyk. *Samsam adam bilen oturma, turma* (Magtymguly).

**SAMSAM** [samsa:m], *at, kön.s.*Kesgir, ýiti gylyç. *Samsam gylyç bilen, düldül at bilen Tagty-sera degin bargan Alydyr* (Magtymguly).

**SAMSYGRAK** [samsyğyra:k], *syp.* Akyly kemräk; çalarak samsyk.

**SAMSYK**, *syp.* **1**. Akyly kemter, ugursyz, kelesaň. *Ýok, meniň özüm samsyk, size ynanyp, biriňize-de gözegçilik etmändirin* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Käýinilip aýdylýan söz, käýinç sözi.

◊ **Samsyk gürrüň** ugur-utgasyz aýdylan gürrüň, söz. *Munuň aýdýan samsyk gürrüňine seret-le!* (B. Kerbabaýew).

**SAMSYKLABERMEK** [samsykla:vermek], *işl.* Samsyklap başlamak.

**SAMSYKLAÇ**,*syp.* Akyly kemräk, akyly gelip gitmeliräk, kelesaňrak. *Onuň özüni samsyklaç alyp barşyna hem-ä gülkim tutdy, hem-de gaharlandym* (H. Garabaýew).

**SAMSYKLAMA**, *iş ady.* Samsyklamak ýagdaýy.

**SAMSYKLAMAK**, *işl.* Akyly kemlikden bolgusyz zatlar aýdyşdyrmak.

**SAMSYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Samsyklamak ýagdaýy.

**SAMSYKLAMAZLYK,** *iş ady.* Samsyklyk etmezlik.

**SAMSYKLATMAK**, *işl.* Birine samsyk gürrüň, hereket etdirmek.

**SAMSYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Samsyklamak ýagdaýy.

**SAMSYKLYK**, *at.* Samsygyň bolşy, gylyk-häsiýeti. *Bir gezek samsyklyk etdim.*

◊ **Samsyklyga salmak** samsyk ýaly bolmak, özüňi samsyk edip görkezmek, samsyksyramak. *Samsyklyga salyp, oňa sag adamyň aýdyp bilmejek sözüni aýtdyp goýberipdir.*

**SAMSYKSYRAMAK**, *işl.* Özüňi samsyklyga salan bolmak, samsyk ýaly görünjek bolmak.

**SAMYR**, *at.* Goňur sütükli we gymmatbaha derili kiçiräk haýwan. *Samyr derisinden gulakçynymyň, Nemlenen bagjygy doňdy bada-bat* (B. Hudaýnazarow).

**SAMYRDAMAK**, *işl., ser.* Öz ugruna bir zatlar gürlemek, samramak.*Ol käýarym bir zatlar samyrdaýardy.*

**SAMYRDAŞMAK**, *işl., ser.* **Samraşmak**. *Samyrdaşyp oturmasaňyz-la!*

**SAMYRDATMAK**, *işl.* Birini samyrdamaga mejbur etmek. *Gyzgyn ýokary galyberse, adamy samyrdadýar.*

**SAMYRDY**, *at.* **1**. Ugursyz-utgasyz ýaňrama, boş samahylly gürrüň. **2**. Huş ýitirilende ýa-da düýş görlende edilýän manysyz gürrüň.

**SAMYR-SAMYR**, *s.ş.aňl.söz.* Düşnüksiz samralyp oturylanda eşidilýän sesler. *Samyr-samyr edip, halys ýadatdyň-la.*

**SAMYR-SUMUR**,*at.* Düşnüksiz samyrdyly gürrüň. *– Bir azajyk ýataýyn, nahary soň iýerin – diýip, ukynyň alasarmyklygynda samyr-sumur etdi.*

**SAMYRTORBA** [samyrto:rvo], *at.* Guýy gazylanda gum çykarmak üçin ulanylýan berk dokalýan torba.

**SAMYRURGAN** [samyrurğon], *at.* Guýy gazylanda gum çekmek üçin samyrtorba berkidilýän üç bükdürilip işilen berk ýüp. *Samyrurgan uzynrak boldugyça işiň öndürijiligi hem artýar.*

**SAMY-SUMY**,*at, ser.* **Samyr-sumur**.*– Tüweleme, aw ganly-da, tüweleme! – diýip, samy-sumy etdi* ("Edebiýat we sungat").

**SAN** [sa:n], *at.* **1**. Bir zadyň hasabyny ýöretmek üçin mukdar düşünjesi, ululyk. *Bitin sanlar. Drob sanlar. Rasional sanlar.* **2**. Zatlaryň, hadysalaryň we ş.m. mukdaryny, tertibini aňlatmak üçin hyzmat edýän belgi. *Gazetiň soňky sanynda.* **3**. *dil b.* Grammatikada: hasap-hesip işinde zatlaryň mukdaryny, tertibini aňladýan söz topary. *Mukdar we tertip bildirýän sözlere san diýilýär.* **4**. *göç.m.* Hatarda, hasapda görülmeýän (adam hakynda). *Ol ýöne bir gury san.*

◊ **Sana geçmek (geçirmek)** belli bir derejede hasap edilmek, bir zadyň hataryna goşulmak. *Şeýdip, janlarym, illäp-günläp, kel gyzy äre beren ýaly, muny-da bir sana geçireliň* (A. Durdyýew). **Sana goşmak (salmak, getirmek)** **1**) agyr hassany bejerip, adam etmek. *Baku şäherinde bir keselhana, Meredow Welini goşupdy sana* (B. Hudaýnazarow). **2**) gowy adam edip ýetişdirmek, il hatarynda gowy terbiýe bermek. **Sana goşulmazlyk** adam hatarynda görülmezlik. *Hiç sana goşulmaz, bir göze ilmez, Her ýigidiň golda maly bolmasa* (Zelili). **Sana kowalaşmak** ýerine ýetirilýän işiň sanyny artdyryp, hiline üns bermezlik. *Bu işde sana kowalaşmaga ýol bermek bolmaz.* **San belgisi** kybapdaş, meňzeş zatlaryň içinde bir zadyň tertibini görkezýän san, nomer. *100-nji san belgili karar. 5-nji san belgili buýruk. Awtomobiliň san belgisi.* **San bolmak 1)** adamlaryň biri bolmak, adamlar hatarynda durmak. *Gezer erdim, il içinde san bolup, Gymmatdan düşüp men, derde hun bolup* (Magtymguly). **2)** abraýly adamlar hatarynda bolmak. *Hyrka geýip, il içinde san bolsam* (Magtymguly). **San çalyşmasy** sözlemde, esasan, sanlaryň ýerine ulanylýan sözler. **Sandan aýrylmak** at-abraýlylar hataryndan çykmak. *Han hezretiň könli bitdi, Biz weli sandan aýryldyk* (Seýdi). **Sandan çykan 1)** harap bolan, zaýalanan. *Sandan çykan araba.* **2)** ters ýola düşen. *Düzelmeseň, sandan çykan adam bolarsyň.* **Sandan galmak 1)** ulanmakdan galmak, halys könelmek. *Sandan galan içmek.* **2)** zähmet ukybyny ýitirip iş-güýçden galmak, garramak, deregiň dagamak. *Ony açyp-ýapmak sandan galan adamlaryň birine ynanylsa-da, oňarlar* ("Edebiýat we sungat"). **San gara** elinden iş gelmeýän, iş oňarmaýan adam. *Oňa ýöne bir sangara diýäýmeseň, bary-ýogy deňdir, elinden iş gelýän däldir.* **San ýokluk** adam hatarynda görülmezlik.

**SANABERMEK** [sana:vermek], *işl.* Sanap başlamak. *– Men ony sanabereýinmi? – diýip, garşydaşynyň ýüzüne soragly bakdy.*

**SANAÇ**, *at.* Geçi ýaly öý haýwanlarynyň derisi eýlenip, bujaklary daňlyp ulanylýan deri gap. *Garry, sen menden bir sanaç uny köpräk iýensiň, sen ýagşa-ýamana düşünmelisiň* (A. Durdyýew).

◊ **Sanajyna ýel bermek** her hili gürrüňler, sözler bilen ýüregini çişirmek.

**SANADYLMAK** [sa:nadylmak], *işl.* Kimdir birine jemini, mukdaryny hasaplatmak. *Şolaryň näçe gezek sanadylandygyndan habaryň barmy?*

**SANAGLY** [sa:nağly] **I**, *at.* **1**. *ser.* **Sanalgy 2**. *Rubagy ýazýanlar sanagly bolar, Hemmesi-de ilde soragly bolar* (K. Gurbannepesow). *Sanagly günde baryp geldi.*

**SANAGLY** [sa:nağly] **II**, *at.* Adama berlen ömür.

◊ **Sanaglysy dolmak** ömür tanapy kesilmek, ajaly ýetmek, ölmeli wagty gelmek.

**SANALGY** [sa:nalğy], *at.* **1**. Öňden sanalyp goýlan, hasaby çykarylan, sany belli edilen. **2**. *ser.* **Sanly 1**.

**SANALMAK** [sa:nalmak], *işl.* Sany sanamak arkaly belli edilmek, anyklanmak. *Onuň bakýan sürüsi sanaldy.*

**SANAMA** [sa:nama], **1**. *iş ady.* Sanamak ýagdaýy. **2**.*ser.* **Sanawaç 2**.

**SANAMAK** [sa:namak], *işl.* Bir zadyň sanyny, mukdaryny, jemini hasaplap bilmek, hasaplamak.

**SANAMAKLYK** [sa:namaklyk], *iş ady.* Sanamak ýagdaýy.

**SANAMAZLYK** [sa:namazlyk], *iş ady.* Bir zadyň sanyny, mukdaryny hasaplamazlyk.

**SANAŞDYRMAK** [sa:naşdyrmak], *işl.* **1**. Birnäçe zady sanap çykmak. **2**. Birnäçe zadyň adyny, sanyny yzly-yzyna aýtmak, diýmek. *Ol bir topar zatlaryň adyny sanaşdyryp başlady* (J. Akyýew).

**SANAŞMAK** [sa:naşmak], *işl.* **1**. Bir topar zady sanap çykmak. **2**. Biri bilen bir zadyň jemini hasaplamak. *– Iň gowusy, ýaş sanaşalyň, kimiň ýaşy uly bolsa, şol iýmeli – diýip, bir maslahat tapan* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. *göç.m.* Biri bilen gygyryşmak, sögüşmek, sene-mene edişmek. *Meniň bilen sanaşmaga geldiňmi ýa-da başga ýumşuň barmy?* (B. Seýtäkow).

**SANAŞYK** [sa:naşyk], *at, taryh.* Ýer, suw paýlanyşygynda sanawa girizmek düzgüni. *Suw sanaşygynda, hada paýlanyşygynda, nobat aýlanyşygynda, seniň, asyl köpiňiziň agzyňyz mumly ýaly* (B. Kerbabaýew).

**SANATMAK** [sa:natmak], *işl.* Bir zadyň sanyny birine hasaplatmak. *Şolary bir-birden sanatdym.*

**SANAW** [sa:now], *at.* Bir zadyň sany, jemi, möçberi, mukdary hakynda maglumat.

**SANAWAÇ** [sa:nowa:ç], *at, edeb.* Oýunda eşekçini, döwçini, kimiň çykyp, kimiň galýandygyny belli etmek üçin sanalýan, ýerine ýetirilýän şahyrana halk döredijiliginiň bir görnüşi. *– Ogul ýaşy uzyn bolsun! – diýip, tükeniksiz sanawaçlar sanarlar* (A. Gowşudow).

**SANAWÇY** [sa:nowçy], *at, mat., ser.* **Sanawjy.**

**SANAWJY** [sa:nowjy], *at, mat. Drobuň üstündäki bölünýän san.*

**SANAÝYŞ** [sa:naýyş], *iş ady.* Sanamak ýagdaýy.

**SANÇDYRMAK** [sanyşdyrmak], *işl.* **1**. Sanjym etdirmek. **2**. Ujy ýiti bir zady biriniň kömegi bilen dürtmek. **3**. Agaç nahalyny ekdirmek, şitili oturtdyrmak. **4**. *lukmanç.* Keseliň öňüni almak üçin, ýörite iňňe bilen derman goýbertmek.

**SANÇGY** [sançğy] **I**, *at, lukmanç., ser.* **Sanjym**.

**SANÇGY** [sançğy] **II**, *at.* Balygy sanjyp tutmak üçin ujuna üç sany demir çiş berkidilen uzyn taýak.

**SANÇMA,** *iş ady.* Sançmak ýagdaýy.

**SANÇMAK,** *işl.* **1**. Ujy ýiti çişi, iňňäni we ş.m. bir zada çümdürmek, dürtmek, sokmak. **2**. Agaç nahalyny ekmek, şitil oturtmak. *Ýere sanjan zadyň hasyl berer*. **3**. *lukmanç.* Bedene ýörite iňňe arkaly derman goýbermek. *Towuklaryň bir ýanyndan ählisini sanjyp çykmak Şüküre iki-üç gün iş boldy* (T. Gurbanow).

**SANÇMAKLYK,** *iş ady.* Sançmak ýagdaýy.

**SANÇMAZLYK,** *işl.* Sançmak işini etmezlik.

**SANDAL** [sannal], *at.* Demir, kümüş ussalarynyň üstünde demir we ş.m. süýmek, ýençmek üçin aýratyn görnüşli uly demir ýassygy. *Ýekedaban bolsaň – urmak ýaraşar, Sandal bolsaň – çydap durmak ýaraşar* (K. Gurbannepesow).

**SANDAŞ** [sa:nnaş], *syp.* San taýdan deň. *Orta boýly bugdaýyň içinde egri oragy aýlap salýan orakçylar, selçeň gögeren günebakar bilen sandaşdy* (B. Kerbabaýew).

**SANDYK** [sannyk], *at.* **1**. Içine zat, goş salmak üçin agaçdan ýasalyp, köplenç, daşyna nagyşlanan demir çekilýän, gapakly, gulply uly gapyrjak. **2**. Hala we käbir el işlerine salynýan sandyk görnüşli dörtburç nagyş.

**SANDYKGÖL** [sannykgö:l], *at.* Öýdüme bilen dokalýan önümlere salynýan sandyk görnüşli göl. *Sandykgöl palas.*

**SANDYRABERMEK** [sannyra:vermek], *işl.* Sandyrap ugramak, titräbermek. *Gorkudan ýaňa sandyraberdi.*

**SANDYRAK** [sannyrak], *syp., ser.* **Sandyrawuk.**

**SANDYRAKLABERMEK** [sannyrakla:vermek], *işl.* Sandyr-sandyr edip başlamak. *Gorkusyndan ýaňa sandyraklaberdi.*

**SANDYRAKLAMA** [sannyraklama], *iş ady* Sandyraklamak ýagdaýy.

**SANDYRAKLAMAK** [sannyraklamak], *işl.* Sandyr-sandyr edip titremek, sandyrap durmak.

**SANDYRAKLAMAKLYK** [sannyraklamaklyk], *iş ady.* Sandyramak ýagdaýy.

**SANDYRAKLAMAZLYK** [sannyraklamazlyk], *iş ady.* Sandyr-sandyr edip durmazlyk. *Olaryň bolşuny göreňde sandyraklamazlyk asla mümkin däl.*

**SANDYRAKLAŞMAK** [sannyraklaşmak], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde sandyraklamak.

**SANDYRAKLATMAK** [sannyraklatmak], *işl.* Sandyraklamaga mejbur etmek, sandyraklamak katdyna ýetirmek.

**SANDYRAKLAÝYŞ** [sannyraklaýyş], *iş ady.* Sandyraklamak ýagdaýy.

**SANDYRAMA** [sannyrama], *iş ady.* Sandyramak ýagdaýy.

**SANDYRAMAK** [sannyramak], *işl.* Belli bir sebäbe görä süňňüne galpyldy aralaşmak, sandyr-sandyr etmek, titremek. *Sähet öz gaharyny gizläp bilmän sandyrady* (N. Jumaýew).

**SANDYRAMAKLYK** [sannyramaklyk], *iş ady.* Sandyramak ýagdaýy.

**SANDYRAMAZLYK** [sannyramazlyk], *işl.* Süňňüňde galpyldy gopmazlyk, sandyr-sandyr etmezlik.

**SANDYRAŞMAK** [sannyraşmak], *işl.* Birnäçe bolup sandyramak, sandyr-sandyr etmek. *Şonuň pälwan ogullarynyň beýle ýagdaýyny görüp, onuň nökerleri sandyraşyp başladylar* ("Görogly").

**SANDYRATMAK** [sannyratmak], *işl.* Sandyramaga mejbur etmek, sandyrar ýaly etmek, sandyramak katdyna ýetirmek. *Ol elini kümüşçiniň eli ýaly sandyradyp, ine, şeýle ýazdy* (N. Pomma).

**SANDYRAWUK** [sannyrowuk], *syp.* Sandyr-sandyr edýän, titräp duran, sandyraýan. *Onuň sesi hem diýseň sandyrawuk eşidilýärdi* ("Edebiýat we sungat"). *Sandyrawuk el.*

**SANDYRAWUKLYK** [sannyrowukluk], *at.* Sandyrawugyň ýagdaýy, sandyrawuk halda bolmaklyk, titrewüklik.

**SANDYRAÝYŞ** [sannyraýyş], *iş ady.* Sandyramak ýagdaýy.

**SANDYR-SANDYR** [sannyr-sannyr], *s.ş. aňl.söz.* Belli bir sebäbe görä süňňüne galpyldy aralaşyp, durky bilen titrände emele gelýän hereket.

◊ **Sandyr-sandyr etmek** *ser.* **Sandyramak.** *Onuň gaharynyň gelendigi hasam topbaran dodaklaryndan, sandyr-sandyr edip duran çekgelerinden aýandy* (T. Gurbanow). *Aýdylan paýyş söze gaty gahary gelip, nätjegini bilmedi, eli hem sandyr-sandyr edip başlady.*

**SANDUWAÇ** [sannuwa:ç] , *at.* **1**. *k.d.* Bilbil. *Sebze içre sandywaç, Ýüz dilde kylyp äheň* (Magtymguly). **2.** *gepl.d.* Içine suw guýlup çalynýan, üfleseň guş saýraýan äheňde ses çykarýan, guş görnüşindäki oýunjak.

**SANDYZ** [sannyz]**: sandyz ýaly** gaty, berk. *Al ýorga bir durşuny üýtgetmän, sandyz ýaly sanjylyp durdy* (B. Kerbabaýew). *Sandyz ýaly daňmak. Sandyz ýaly saramak.*

**SANDYZLAMA** [sannyzlama], *iş ady.* Sandyzlamak ýagdaýy.

**SANDYZLAMAK** [sannyzlamak], *işl.* Gatatmak, berkitmek; demrikdirmek. *Ýogsam guýynyň sandyzlan diwaryny suw hiý böwsüp bilermi?* (B. Kerbabaýew).

**SANDYZLAMAKLYK** [sannyzlamaklyk], *iş ady.* Sandyzlamak ýagdaýy.

**SANDYZLAÝYŞ** [sannyzlaýyş], *iş ady.* Sandyzlamak ýagdaýy.

**SANGY** [sa:nğy], *at, kön.s.* Pikir, oý, hyýal. *Köňle gelen herne käri, Sangy etmeý edejek sen* (Magtymguly). *Sangy etmän, ýygyp halal-haramy, Ahyr bir gün baryp, çaşyr gider sen* (Zelili).

**SANJABERMEK** [sanja:vermek], *işl.* Sanjap başlamak. *Ýüreginiň güýçli sanjabermegi ony biynjalyk etdi.*

**SANJAK I,** *at.* Aýal geýimlerinine salynýan üçburç şekilli dilkaw mata urundysy.

**SANJAK II**, *at, kön.s.* Baýdak.

◊ **Sanjak ýaly** syrdam boýly, gelşikli. *Sanjak ýaly ýaş gelin ylgap geçdi köçeden* (K. Gurbannepesow).

**SANJAMA**, *iş ady.* Sanjamak ýagdaýy.

**SANJAMAK,** *işl.* Bir zat sünjülýän, dürtülýän ýaly bolup agyrmak, ýiti agyrmak. *Ýüregim sanjap agyrýar.*

**SANJAMAKLYK,** *iş ady.* Sanjamak ýagdaýy.

**SANJAR**, *at.* Uly deňiz haýwanlaryny, balyklary awlamak üçin işilen, gat-gat sim berkidilen naýza görnüşli metal ýarag.

**SANJAŞMAK**, *işl.* Bedeniň birnäçe ýeri sanjamak.

**SANJAÝYŞ**, *iş ady.* Sanjamak ýagdaýy.

**SANJY**, *at.* **1**. Köplenç, göwräň iç ýüzünde sanjylyp duýulýan ýiti agyry. *Bir gün sanjy tutdy Gülsün ejäni, Ah-wahlap geçirdi uzyn gijäni* (D. Baýmyradow). **2**. *göç.m.* Alada, ünji, gam-gussa. *Pökgeniň özüni gözläp gelmegi Ýelliniň böwründe sanjy bolup döredi* (A. Gowşudow).

**SANJYBERMEK** [sanjyvermek], *işl.* **1**. Haýsydyr bir zady sanjyp başlamak. **2**. Nahal ekip, şitil oturdyp başlamak. – *Bulary şu ýere sanjybereýinmi? – diýip, mugallymyň ýüzüne seretdi.*

**SANJYLAMAK,** *işl.* Sanjap durmak, sanjyp-sanjyp agyrmak. – *Wepa, näme bir ýeriň sanjylaýarmy? – diýip seslendi* (A. Gowşudow).

**SANJYLMAK,** *işl.* **1.** Ýiti bir zat çümmek ýa-da çümdürilmek. *Myssyjak gürrüň Orazlynyň tenine tiken bolup sanjyldy* (R. Gelenow). **2**. Nahal oturdylmak, ekilmek. **3**. Bedene iňňe bilen derman goýberilmek.

◊ **Sanjylyp oturmak** gözüne uky gelmän, dik oturmak.

**SANJYM,** *at.* **1.** Tikin, keşde işlerinde iňňe bilen sanjylyp edilýän bir gezekki tikin. *Keşdesine iki sanjym kem berdi.* **2**.Keseliň öňüni almak ýa-da ony bejermek üçin onuň azajyk mukdaryny ýörite lukmançylyk enjamy bilen bedene goýbermeklik. *Dümewe garşy sanjym etmek.*

**SANJYŞ,** *iş ady.* Sançmak ýagdaýy.

**SANJYŞMAK,** *işl.* **1**. Sançmaga kömekleşmek. **2**. Biri-biriňe sançmak. *Naýza, gylyç her uzanda, Sanjyşmadyk namart bolsun* ("Görogly"). **3**. Bilelikde sançmak. *Maldogtorlar keseliň öňüni almak üçin goýunlary sanjyşyp ýör.*

**SANLY** [sa:nly] *syp.* **1**. San bilen işleýän, san bilen aňladylýan. *Sanly telewideniýe.* **2**. Käbir wagt aňladýan sözler bilen gelip, "sähel, azajyk, az" manysynda ulanylýan söz. *Uçar sanly sagatda Aşgabada gelip gondy.*

◊**Az sanly** san taýdan az. *Az sanly adam.*

**SANMA** [sa:nma], *iş ady.* Sanmak ýagdaýy.

**SANMAK** [sa:nmak], *işl.* **1**. *kön.s.* Bir zadyň deregine hasap etmek, bir zadyň hasabynda görmek, saýmak, hasaplamak. *Gulzumy gyr sanyp, kyrk ýol geçer men, Eger ki meýl etse, ýar bizim sary* (Magtymguly). **2**. Ýetmek, barmak, bolmak. *Gün öýlä sananda, ol sürümiň hilini barlamak üçin jaryň ilersinde işleýänleriň ýanyna gitmekçi boldy* (R. Allanazarow).

**SANMAKLYK** [sa:nmaklyk], *iş ady.* Sanmak ýagdaýy.

**SANMA-SAN** [sa:nma-sa:n], *hal.* Sany boýunça, sanyna laýyk, sanyna görä, ýeke-ýekeden sanamak arkaly. *Senden alan zatlarymy sanma-san yzyna gaýtaryp bererin.*

**SANMAZLYK** [sa:nmazlyk], *işl.* Bir zadyň deregine hasap etmezlik. *Görüň, messana basyp, bizleri sanmaz gelin* (Kemine).

**SAN-SAJAK** [sa:n-sa:jak]**: san-sajagy ýok** örän köp, san taýdan gaty köp, sansyz. *Akylyň gözbaşy ylym ojagy, Ýok munda okaýanyň sany-sajagy* (A. Kekilow).

**SAN-SALA** [sa:n-sala:], *at.* *S*ylanyşyk, hormat. *San-sala goýmadyň, ömrüm kül etdiň, Ýarym ýyldan geçdi, bendi – gul etdiň* (Baýly şahyr).

**SANSYZ** [sa:nsyz], *çal.* **1**. Biçak köp, örän köp, ummasyz. *Ýetime-ýesire dözseň, mal berseň, Sansyz sogap dörär barsaň yzyndan* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Adam sanyna geçmeýän, hiz zat oňarmaýan, elinden iş gelmeýän. *Obada jeň tapsa, sansyz bidöwlet, Mert oglunyň depesinden muş döker* (Magtymguly).

**SANSYZRAK** [sa:nsyzyra:k], *syp.* Azda-kände sansyz. *Ol oglan sansyzrak bolaýmasa?!*

**SANSYZ-SAJAKSYZ** [sa:nsyz-sa:jaksyz], *syp.*, *ser.* **Sansyz 1**.

**SANTIMETR** [santime:tir], *at.* **1**. Metriň ýüzden bir bölegine barabar uzynlyk birligi. *Hatarlaryň arasy 40 santimetr ekilen tohumlaryň üstüni 0,5 santimetr galyňlygynda çüýrüntgi bilen örtdük* ("Mugallymlar gazeti"). **2**. Uzynlyk ölçemek üçin santimetrlere bölünen çyzgyç. *Tikinçi eline santimetri alyp, matany biçmäge başlady.*

**SANY** [sa:ny], *at.* Meňzeş, kybapdaş zatlaryň biri (öňünden san görkezilip ulanylýar). *Bäş sany kitap. Iki sany alma.*

**SANYŞ** [sa:nyş], *iş ady.* Sanmak ýagdaýy.

**SANÝETMEZ** [sa:nýetmez], *syp.*, *ser.* **Sansyz**.

**SAŇ**, *at, kön.s.*Daş.

◊ **Saň gaty bolmak 1)** doňan ýaly gatap galmak, daş ýaly bolmak. *Jany çykyp, saň gaty bolup ýatyr* ("Görogly"). **2)** dim-dik bolmak, gatan ýaly bolup dik durmak. *Olar alyp gaçmak üçin ellerine göteren sebetlerini, ganarlaryny gaçyryp, reňklerini agardyşyp, saň gaty bolup durdular* (B. Seýtäkow).

**SAŇALMAK: saňalyp (saňalyşyp) durmak** doňan ýaly bolup aňalyp durmak, aňk-taňk bolup

dim-dik durmak. *Ol döläniň içinde iki ädim ätläp, saňalyp durdy* (A. Gowşudow).

**SAŇALTMAK,** *işl.* Kimdir birini aňk-taňk etmek. *Aýsoltan oturan adamlary öz hereketleri bilen saňaltdy.*

**SAŇALYŞMAK,** *işl.* Doňan ýaly aňalyşýp durmak, aňk-taňk bolşup durmak. *Näme saňalyşyp dursuňyz,işiňiz bilen boluň!*

**SAŇKY**, *syp.* Kellesine taýak degen ýaly, edenini-goýanyny bilmeýän, ederini bilmeýän, özüni örän gowuşgynsyz alyp barýan. *Saňky adam.*

**SAŇŇY I**, *syp.* Gyýalap çykan, gyşaryp duran (diş hakynda). *Saňňy diş.*

**SAŇŇY II**, *syp.* Titräp, sandyrap duran (adam hakynda).

**SAŇŇYLDABERMEK** [saňňylla:vermek], *işl.* Saňňyldap başlamak, sandyrabermek, galpyldabermek. *Ol gorkusyndan ýaňa saňňyldaberdi.*

**SAŇŇYLDAMA** [saňňyllama], *iş ady.* Saňňyldamak ýagdaýy.

**SAŇŇYLDAMAK** [saňňyllamak], *işl.* Belli bir sebäbe görä, saňňyl-saňňyl edip titremek, sandyramak, galpyldamak. *Annaguly edil buzuň üstünde ýalaňaç oturan ýaly saňňyldap otyrdy* (A. Durdyýew).

**SAŇŇYLDAMAKLYK** [saňňyllamaklyk], *iş ady.* Saňňyldamak ýagdaýy.

**SAŇŇYLDAMAZLYK** [saňňyllamazlyk], *iş ady.* Sandyramazlyk, galpyldamazlyk.

**SAŇŇYLDAŞMAK** [saňňyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde saňňyldamak. *Onuň iki budy hem saňňyldaşyp titreýärdi* (A. Gowşudow).

**SAŇŇYLDATMAK** [saňňyllatmak], *işl.* Titretmek, sandyratmak. *Ol ysgynsyz kellesini saňňyldatdy* (A. Gowşudow).

**SAŇŇYLDAWUK** [saňňyllowuk], *syp.* Sandyrap, titräp duran, sandyrawuk, saňňyldap duran (adam, ses hakynda).

**SAŇŇYLDAÝYŞ** [saňňyllaýyş], *iş ady.* Saňňyldamak ýagdaýy.

**SAŇŇYLDY** [saňňylly], *at.* Bedende döreýän galpyldy, titreme, sandyrama. *Gandym aganyň bedeninde maýdaja saňňyldy peýda boldy* (B. Pürliýew).

**SAŇŇYL-SAŇŇYL: saňňyl-saňňyl etmek** *ser.* **Saňňyldamak.** *Eý-ho! Men olara şu ýerden esedemde butlarym saňňyl-saňňyl edýär* (G. Kulyýew).

**SAŇSAR,** *syp.* Akylyna zeper ýeten, kelesaň, tentek.

◊ **Saňsar daşy** yslam dininiň düzgünlerine görä günäkäri öldürmek üçin oňa zyňylýan daş.

**SAŇSARLYK,** *at.* Saňsaryň ýagdaýy, kelesaňlyk, tenteklik.

**SAŇSYRAKLAMA**, *iş ady.* Saňsyraklamak ýagdaýy.

**SAŇSYRAKLAMAK**, *işl.* Ukusyndan açylyp bilmän, alasarmyk ýagdaýda tentirekläp hereket etmek, saňsar ýaly özüni alyp barmak. *Ünji-aladasynyň biçak agyrlygyndanmy ýa-da bütin gijäni saňsyraklap geçirenligindenmi, heniz hem süňňi gowşakdy* (G. Kulyýew). *Ol itiň üýrýän sesine oýanyp, saňsyraklap ýerinden galdy-da, gapa tarap ýönelmekçi boldy.*

**SAŇSYRAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Saňsyraklamak ýagdaýy.

**SAŇSYRAKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup saňsyraklamak. *Gara daňdandan saňsyraklaşyp, bu ýerde näme işleýärsiňiz?*

**SAŇSYRAKLATMAK**, *işl.* Saňsyraklamaga mejbur etmek. *Ony gara daňdandan saňsyrakladyp turuzdylar.*

**SAŇSYRAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Saňsyraklamak ýagdaýy.

**SAP I**, *at.* **1.** Bir guralyň, enjamyň el bilen tutulýan tutawajy. *Ýene bir sapy çykyp duran köne çekiçleri bardy* (B. Kerbabaýew). **2.** Dutaryň perdelenip, kädä berkidilýän bölegi. *Dutaryň sapy berk erik agyjyndan ýasalýar.*

◊ **Pil sapy** aşak ujy piliň gumhanasyna geýdirilip, onuň ýokary ýanyndan pugta pile berkidilýän ýogyn taýak şekilli agaç bölegi.

**SAP II**, *at, ser.* **Sapalak**. *Müňde bir sapyndan peýdalanýan tilki aňsat atuwa gelmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Sap atmak** aldaw bilen hereket etmek, pirim, hile bilen aldamak.

**SAP III,** *at, harb.* Goşunyň hatary, setiri. *Sap gurup, meýdanda dursa gerekdir* (Magtymguly).

**SAP** [sa:p], *syp.* **1**. Hiç bir goşantsyz, garyndysyz, tüýs, hakyky. *Sabyr düýbi sap altyn* (Nakyl). **2**. Päk, arassa, hakyky, wyždanly. *Sap ýürekli adam.* **3**. Boýdan-başa, tutuş, uçdantutma. *Baýyrlyga sap arça nahalyny oturtdyk.* **4**. Tämiz, arassa. *Ertiriň sap howasynda uzakdan şaňňyja bir ses ýaňlanýardy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Sap girdeji** önüm öndürmäge giden ähli çykdajylardan soňky galýan girdeýji.

**SAPA** [sapa:], *at.* **1**. Aýşy-eşret, keýpi-sapa, keýp, lezzet, şatlyk. *Seniň bilen sürjek bolup sapany, Kän garaşdym, görmedim hiç wepany* (M. Seýidow). **2**. Oglana dakylýan at.

**SAPAJAK**,*at, ser.* **Sapalak**.

**SAPAJAKLAMAK,** *işl.* Bir zatdan sypjak bolup buýtar-sujýtar etmek.*Ýumrugymy daş dek düwüp, Mündüm ýaňkyň söbügine, Sapajaklap ýetäýende, Köne jaryň läbigine* (K. Gurbannepesow).

**SAPAJAKLATMAK,** *işl.* Bir zatdan sypmak üçin ýüz-gözüňi üýtgetmek, bir zady bildirmezlik üçin garşyňdaky adamdan ýüzüňi gaçyrmak.*Özüne seredilýänini görüp, ýörişini bozdy-da, ýüzüni sapajakladyp, biziň ýanymyza geldi* (N. Saryhanow).

**SAPAJAK-SUPAJAK** [sapajak-supojok]: **1) sapajak-supajak etmek.** *Soltuk sapajak-supajak edip, gaçmaga maý agtardy* (K. Jumaýew). **2) buýtar-suýtar etmek**. *Hiç haçan sapajak-supajak etmez, Görejiň içine dogry sereder şahyryň gözi* (K. Gurbannepesow).

**SAPAK I**, *at.* **1**. Tikin tikmek üçin bükdürilen inçejik ýüplük. *Olaryň käsi üzülen sapaklary daňyşdyrsa, käsi gurallaryň saz işleýşine gözegçilik edýär* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Miwäni agajy, bakja ekinleriniň hasylyny biýarasy bilen birikdirýän inçejik baldak. *Sary gawun bişipdir, Sapagyndan düşüpdir* (Halk döredijiliginden). *Tänip sapagyndan düşýär Gülabynyň gök, sarysy* (R. Seýidow).

◊ **Sapak çekmek** ýigitden peşgeş almak üçin, üme edip oturan gelin-gyzlar tarapyndan onuň ýakasyna ýa eline sapak dakylmak. *Hemişe munuň ýaly ýere gelen ýigide gelin-gyzlar sapak çekerdiler* (A. Gowşudow).

**SAPAK II**, *at.* **1**. Mekdeplerde aýry-aýrylykda okadylýan her bir ders. *Edebiýat sapagy. Taryh sapagy.* **2**. Aýry-aýry derslere berilýän okuw sagady. *Soňky sapak gutarmaga jaň boldy* (A. Kekilow).

◊ **Sapak almak 1)** hat-sowatly bolmak üçin birinden öwrenmek. *Myraly bilen Soltansöýün bir öýde, bir otagda ýaşap, bir molladan sapak alypdyrlar* ("Myraly"). **2)** görelde almak, tälim almak, öwrenmek. *Her bir aýdylýan sözden sapak alýardylar* (B. Seýtäkow). **3)** bir bolan zatdan ony geljekde gaýtalamazlyk üçin netije çykarmak, ony sapak edinmek. **Sapak bermek 1)** okatmak, okuw öwretmek, ders bermek. *Şu gün mekdepde ilkinji gezek okuwçylaryň öňünde sapak berdim.* **2)** *göç.m.* ters görelde görkezmek, nädogry öwüt-nesihat etmek. *Biwazylara sapak berýän asyl seniň özüň ekeniň!* (A. Gowşudow). **Sapak bişirmek** *gepl.d.*geçilen sapagy gowy özleşdirmek, doly bilmek, öwrenmek. *Ejesi ogluna: "Halys oýnasyň gelýän bolsa, sapagyňy gowy bişirip git" diýdi.* **Sapak bolmak** öň goýberen ýalňyşyňy soň gaýtalamazlyk üçin sebäp bolmak. *Zyýany ýok, bu oňa-da, maňa-da sapak bolar* (A. Nazarow). **Sapak edinmek** her bir ýalňyşlykdan geljek üçin netije çykarmak. *Goýberen ýalňyşlyklarymyza ökünmeli, ony geljek ýyllardaky işlerimizde sapak edinmeli* (A. Gowşudow).

**SAPAKDAŞ,** *at.* Mekdepde biri bilen bile sapak geçýän okuwçy. *Olar sapakdaşdylar.*

**SAPALAK,** *at.* Bir zatdan sypmak, gutulmak we ş.m. maksatlar bilen edilýän hileli hereket, hile, pirim, sap, al.

◊ **Sapalak atmak** *ser.* **Sapalaklamak.** *Tilki näçe sapalak atyp gaçsa-da, satanlak ala köpek ony sypdyrmandyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**SAPALAKÇY,** *syp.* Sapalak atýan, hile, pirim salýan adam.

**SAPALAKLABERMEK** [sapalakla:vermek], *işl.* Sapalaklap ugramak.

**SAPALAKLAMA,** *iş ady.* Sapalaklamak ýagdaýy.

**SAPALAKLAMAK,** *işl.* Sapalakly hereket etmek, sapalak, hile gurmak, sap atmak. *Ol ok-ýaýyny almaga ýetişmän, sapalaklap özüni jara atdy.*

**SAPALAKLAMAKLYK,** *iş ady.* Sapalaklamak ýagdaýy.

**SAPALAKLAMAZLYK,** *iş ady.* Sapalakly hereket etmezlik, hile gurmazlyk.

**SAPALAKLATMAK,** *işl.* Biriniň sapalak atmagyna ýol bermek.

**SAPALAKLAÝYŞ,** *iş ady.* Sapalaklamak ýagdaýy.

**SAPALY** [sapa:ly], *syp.* Göwün göterýän, eşretli, lezzetli, keýpli, hezil.

**SAPALYLYK** [sapa:lylyk], *at.* Sapasy barlyk.

**SAPAN,** *at.* Iki ýany işilen uzyn ýüpli, ortasy atyljak daş, kesek salynýan örme esbaply enjam.

◊ **Sapan atmak** daşy, golany sapanyň örme esbabynyň içine salyp, iki ýüpüniň ujyny bir eliň bilen tutup, başyňdan batly aýlap-aýlap, ýaňky aýlaw iň ýokary derejä ýetende golanyň ýa daşyň atylyp gitmegi üçin ýüpüň biriniň ujuny eliňden sypdyrmak, goýbermek. **Syrtyna sapan degen ýaly bolmak** bir sebäp bilen bir ýerden örän çalt gitmek.

**SAPANÇA,** *at.* Ýakyn aralyga ok atýan el ýaragy.

**SAPANLAMA,** *iş ady.* Sapanlamak ýagdaýy.

**SAPANLAMAK,** *işl.* Bir zady urmak üçin sapan atmak. *Sakçylar üzüme çozýan serçeleri, sarlary sapanlaýardylar* (A. Gowşudow).

**SAPANLAMAKLYK,** *iş ady.* Sapanlamak ýagdaýy.

**SAPANLAMAZLYK,** *işl.* Bir zady urmak üçin sapan atmazlyk.

**SAPANLAŞMAK,** *işl.* Biri-biriňe sapan atmak.*Oglanlar sapanlaşýardylar.*

**SAPANLATMAK**, *işl.* Kimdir birine sapan atdyrmak. *Üzüme çozýan serçeleri sapanlatsalar hem hezil bermeýärdi.*

**SAPAR I**, *köm.s.* **1**. Ýola, gezek. *Bir sapar hatardan çykypdyr Aly, Seýl üçin sähraga çykypdyr weli* (Magtymguly). *Bu sapar ol başga zat hakynda gürrüň etdi.*

**SAPAR II**, *at.* Hijri kamary ýyl hasabynyň ikinji aýynyň ady. *Bisähet sapar aýy, Bezirgenim - ol ugrady* (Magtymguly). *Sapar aýynyň on dördüne, bäşine, Bu dagda bir maral ýaman zeýrendi* ("Saýatly – Hemra"). **3**. Adam ady.

**SAPAR III**, *at.* Syýahat, gezelenç, seýil.

◊ **Iş sapary** *ser.* **Iş**. *Ol on günlük iş saparyna gitdi.*

**SAPDYRMAK,** *işl.* Sapmak işini birine etdirmek. *Üljäni erik agajyna sapdyrmak.*

**SAPLABERMEK** [sapla:vermek], *işl.* Pil, kätmen we ş.m. gurallara sap oturdyp başlamak.

**SAPLABERMEK** [sa:pla:vermek], *işl.* Saplap başlamak, arassalabermek.

**SAPLAMA,** *iş ady.* Saplamak ýagdaýy.

**SAPLAMA** [sa:plama], *iş ady.* Saplamak, arassalamak ýagdaýy.

**SAPLAMAK,** *işl.* Pile, kätmene we ş.m. sap oturtmak, sap etmek. *Ussa kätmeni taňk-taňk edip derrew bejerdi-de, ony saplamaga oturdy.*

**SAPLAMAK** [sa:plamak], *işl.* **1**. Garyndylardan, goşantlardan arassalamak, tämizlemek. **2**. Halas etmek, gutarmak, bejermek. *Derman otlaryň güýji ony ähli kesellerden saplady.* **3**. Ýygyp bolmak, ýygyp gutarmak, tamamlamak. *Uç-gyraksyz pagta meýdanyny saplap çykdyk.*

**SAPLAMAKLYK,** *iş ady.* Saplamak ýagdaýy.

**SAPLAMAKLYK** [sa:plamaklyk], *iş ady.* Saplamak ýagdaýy.

**SAPLAMAZLYK,** *iş ady.* Sap oturtmazlyk.

**SAPLAMAZLYK** [sa:plamazlyk], *iş ady.* Saplamak, arassalamak işini etmezlik.

**SAPLANMAK,** *işl.* Sap oturdylmak. *Kätmenler, piller saplandy.*

**SAPLANMAK** [sa:planmak], *işl.* **1**. Arassalanmak, päkizelenmek; gutulmak. **2**. Haýsydyr bir zady ýygnap gutarmak. *Pagta meýdanlary pagtadan doly saplandy.* **3**. Keselden halas bolmak, dynmak, gutulmak. *Men keselden saplandym.*

**SAPLAŞMAK,** *işl.* **1**. Sap etmäge, sap oturtmaga kömekleşmek. *Ogly kakasyna pil saplaşdy.* **2**. Saplamak işini birnäçe bolup etmek. *Ussanyň şägirtleri taýýar pilleri saplaşyp otyrdy.*

**SAPLAŞMAK** [sa:plaşmak], *işl.* Saplamaga kömek etmek.

**SAPLATMAK,** *işl.* Başga birine sap etdirmek, sap oturtdyrmak. *Daýhanlar hemişe özleriniň saplatmaga goýan pilleriniň yzyndan günüň şu wagty gelýärdiler* (A. Gowşudow).

**SAPLATMAK** [sa:platmak], *işl.* Saplamak işini başga birine etdirmek.

**SAPLAW** [saplow], *at.* Suwuk nahary susup almak üçin ulanylýan uzyn saply susak.

**SAPLAÝYŞ,** *iş ady.* Saplamak ýagdaýy. *Pilimi saplaýşyňa göwnüm ýetdi.*

**SAPLAÝYŞ** [sa:plaýyş], *iş ady.* Saplamak ýagdaýy.

**SAPLYK,** *syp.* Sap eder ýaly, sap etmek üçin niýetlenen (agaç). *Saplyk söwüt agajy.*

**SAPLYK** [sa:plyk], *syp.* **1**. Goşantsyzlyk, arassalyk, garnuwsyzlyk. *Nesliň saplygy.* **2**. Akgöwünlilik, päklik. *Siziň saplygyňyzy, halys ýürekden eden hyzmatyňyzy nazara alyp, men sizi bagyşlaýaryn* (B. Kerbabaýew).

**SAPLYK-SÜPLÜK**, *at.* Süpürilip, syrylyp alnan çöp-çalam, süplük. *Burugsap duran saplyk-süplügiň ajy tüssesi gözümi ýaşartdy.*

**SAPMA**, **1**. *iş ady.* Sapmak ýagdaýy. **2**. *syp.* Sapylan (nahal, agaç). *Özüniň ýetişdiren dürli görnüşli sapma almalaryny görkezdi.*

**SAPMAK**, *işl.* **1**. Iňňäniň gözünden sapak geçirmek, sapak ötürmek. **5**. Bir ösümligiň çybygynyň gabygyny ýaryp, oňa ikinji bir ösümligiň gözüni berkitmek arkaly täze ösüntgi ýetişdirmek. **2**. Iki zady, ýüpi we ş.m. biri-birine ulaşdyryp uzaltmak. *Tanapymyzyň ujuna birneme ýüp sapaýmasak, odun bize çykatjak däl.* **3**. Gürrüňiň arasyny üzmän, başga bir gürrüňe, meselä ýazdyrmak. *Durdy gürrüňiň yzyny halkara ýagdaýyna sapyp goýberdi* (N. Esenmyradow). **4**. Çitim etmek, çitmek. *Ünsüni başga ýana sowup, mämişiň ýerine sary çitip, göge derek ak sapyp oturanlar azmy näme?* ("Edebiýat we sungat"). **5**. Iňňäniň gözünden sapak geçirmek. *Häli-hä ýagşy, ýogyn iňňä sapagy kömekçi-siz sapyp bilýän* (A. Gowşudow).

**SAPMAKLYK,** *iş ady.* Sapmak ýagdaýy. *Bagbanlar agajy bir-birine sapmaklyk işini alyp barýarlar.*

**SAPMATUT** [sapmatu:t], *at.* Sapmak arkaly ösdürilip ýetişdirilen tut.

**SAPMAZLYK,** *işl.* Sapmak işini amal etmezlik.

**SAP-SAGDYN** [sap-sağdyn], *syp.* Jany örän sag. *Dap-daýaw, sap-sagdyn, bili bükülmez, Göreş etse, duşmanyndan ýykylmaz* (A. Salyh).

**SAP-SAP,** *syp.* Hatar-hatar, setir-setir. *Bir ýerde top bile baýdak dikilsin, Goşun iki ýandan sap-sap çekilsin* (Seýdi).

**SAP-SARY** [sap-sa:ry], *syp.* Gaty sary, örän sary, jylk sary. *Sap-sary kagyz.*

**SAPYLMAK,** *işl.* **1**. Iňňä sapak ötürilmek. *Sapak sapylan iňňäni eline aldy.* **2**. *ösüml. d.* Sapmak arkaly döredilýän täze görnüşli ösümlik. *Sapylan pyntyklaryň kadaly ösmegine yzygiderli gözegçilik edýärler* ("Mugallymlar gazeti"). **3**. Çitim çitilmek. *Älem sapylyp, gyra syrylýardy* ("Edebiýat we sungat").

**SAPYNMAK,** *işl.* Özüň üçin sapmak. *Gelin keşde iňňesine sapak sapynyp, onuň ujuny düwdi.*

**SAPYRAN** [sa:pyra:n], *at, ösüml.d.* Elde oýnamak üçin daşy dilim-dilim, içi çigitli kädijik. *Bu wagtlar obanyň arçyny elindäki sapyranyny beýläk oklap, häliden bäri içinden öwrüp oturan pikirini orta atdy* (H. Derýaýew).

**SAPYŞ,** *iş ady.* Sapmak ýagdaýy. *Iňňä sapak sapyşyna göz ilmeýärdi.*

**SAPYŞDYRMAK,** *işl.* Köp zady sapyp çykmak, ählisini sapmak. *Men olary sapyşdyryp hem gördüm, sapman-da gördüm* (N. Pomma).

**SAPYŞMAK**, *işl.* **1**. Bir zady sapmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde sapmak. *Gyzlar iňňelere sapak sapyşyp otyrlar.*

**SAR I**, *at.* Serçeler maşgalasyna degişli bolan gara-ala ýelekli jok-joky pisint guş. *Ol tygly malahdyr – jöwen ganymy, Gürlär, howa galar, sar sesin aňsa* (Zelili).

**SAR II**, *at.* **1**. Deriniň, içmegiň we ş.m. ýylmanak ýüzi. *Ertir turup seretsem – dag keýginiň derisi, Saryna ýagyş degen, hiç galmandyr sarysy* (Kemine). **2**. Berklik, durk, gaýymlyk, çydam. *Köýnegiň sary gidendir, gaty ýuwsaň ýyrtylar.*

◊ **Sary gaçmak (gitmek)** geýlip, könelip ýyrtylyp başlamak, könelmek. *Şu aralykda onuň sary giden alaça köýneginiň ýeňleri ýyrtyldy* (B. Seýtäkow).

**SARABERMEK** [sara:vermek], *işl.* Sarap başlamak. *Indi ýumaklary sarabermeli.*

**SARAG** [sarağ], *at, gepl.d.* Ýara ýa-da başga bir zadyň daşyna saramak üçin zolak mata, sargy, daňy. *Çapany bar egri dyzdan, Saragy bar gara bizden* (Ç. Aşyrow).

**SARALDYBERMEK** [sa:raldyvermek], *işl.* Saraldyp başlamak, saraldyp ugramak.

**SARALDYLMAK** [sa:raldylmak], *işl.* Reňki sary edilmek.

**SARALMA,** *iş ady.* Saralmak ýagdaýy.

**SARALMA** [sa:ralma], *iş ady.* Saralmak ýagdaýy.

**SARALMAK,** *işl.* Bir zadyň (naýçanyň, tütäniň, dükjäniň we ş.m.) daşyna oralmak. *Gazanlarda bökjekleýän pileler tutguçlaryň kömegi bilen, göze çala ilýän sapaga öwrülip, beýle ýüzdäki leklekilere saralyp dur* ("Edebiýat we sungat").

**SARALMAK** [sa:ralmak], *işl.* **1**. Sary reňke öwrülmek, sary bolmak. *Garamtyl murtunyň towlanyp duran ujy biraz saralypdyr.* **2**. *göç.m.* Belli bir sebäbe görä reňkiň üýtgäp horlanmak. *Ol çöp ýaly boldy, reňki saraldy, gözleri hanasynyň içine gitdi* (B. Seýtäkow).

**SARALMAKLYK** [sa:ralmaklyk], *iş ady.* Saralmak ýagdaýy.

**SARALTMAK** [sa:raltmak], *işl.* **1**. Sary reňke öwürmek, sary etmek. *Ýüpi boýap saraltmak.* **2**. Belli bir sebäbe görä horlatmak, igletmek. *Ilki Zylyhany ejesiniň ölümi saraltdy, soňam pahyr öýden ulukjyn aldy* ("Edebiýat we sungat").

**SARALY** [sa:ra:ly], *at.* Garaly ýaly miwe getirýän agaç we onuň sary miwesi, saryluw. *Şu ýyl saralydyr garaly agaçlarynyň hasyly gowy boldy.*

**SARALYP-SOLMAK** [sa:ralyp-solmok], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň gaýgysyny, aladasyny edip horlanmak.

**SARALYŞ,** *iş ady.* Saralmak ýagdaýy.

**SARALYŞ** [sa:ralyş], *iş ady.* Sary bolmak ýagdaýy.

**SARALYŞMAK** [sa:ralyşmak], *işl.* Sary reňke öwrülişmek, saralyp başlamak. *Agaçlaryň saralyşan ýapraklary ýere döküldi.*

**SARAMA,** *iş ady.* Saramak ýagdaýy. *Türkmenlerde bukjanyň daşyny alaja bilen sarama däbi bar.*

**SARAMAK,** *işl.* **1**. Bir zadyň daşyna ýüp, sargy we ş.m. oramak, orap daňmak. **2**. Ýüpi, ýüplügi bir zadyň daşyna oramak. *On barmaga synym düşdi, Naýça ýüpek sarap durka* (K. Gurbannepesow).

**SARANMAK,** *işl.* **1**. Bir ýeriňi sargy bilen saramak, daňmak. **2.** Özüň üçin sapak saramak.

**SARAŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Sargy bilen sarap, orap çykmak, oraşdyrmak, daňyşdyrmak. *Kim gamyş baglaryny, kim söýe baglaryny saraşdyrýardy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Ýüplükdir sapak ýaly zatlary ýumaga sarap çykmak..*Asman eje ýüplügini, Mäşirigine saraşdyrdy* (K. Gurbannepesow).

**SARAŞMAK,** *işl.* **1**. Saramaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde saramak. I*ki sany gelin çarhda naýçalara argaçlyk ýüplükleri saraşyp otyrdy.*

**SARATMAK,** *işl.* Saramak işini başga birine etdirmek. *Ýumak saratmak. Naýça saratmak. Tüte saratmak.*

**SARAÝ,** *at.* **1.** *k.d.* Köşk. **2**. Içinde mal-gara daňylýan, saklanýan giden giň howly. *Saraýda atyny baglap, şanyň ýanyna salama bardy* ("Nejep oglan"). *Ol jaýyň içi edil saraýyň içi ýaly giňdi hem şaglap duran salkyndy* (A. Gowşudow). **3.** *gepl.d.* Mal bazary.

**SARAÝJY,** *at.* Kärhanalarda ýüpek, sapak saramak işini ýerine ýetirýän (işçi, gural we ş. m hakynda). *Ol saraýjy bolup işleýär.*

**SARAÝMAN** [saraýma:n], *at, kön.s.*Saraý sakçysy, saraý garawuly. *Saraýmanyň ogly bu guly äkidip, patyşanyň gyzyna alty ýüz teňňä satdy* ("Türkmen halk ertekileri").

**SARAÝYŞ,***iş ady.* Saramak ýagdaýy. *Garry enäniň ýumak saraýşyna ünsli seret, şeýtseň özüňem öwrenersiň.*

**SARÇ,** *syp.* Adama, ele öwrenişmedik, tez. *Sarç at onuň bilen gaty bir ugurdaşam gopaýmady* (Ý. Mämmediýew).

**SARÇLYK** [sarşlyk], *at.* Sarç malyň ýagdaýy, tezlik.

**SARDOBA** [sardo:vo], *at.* Çöl içinde ýagyş-ýagmyryň suwy ýygnalyp saklanýan üsti ýapyk howuz.

**SARGALMAK** [sarğalmak], *işl.* **1**. Bir ýumşy bitirtmek üçin haýyş edilmek, sargyt edilmek, ýumuş buýrulmak, sarylmak.

**SARGAMA** [sarğama], *iş ady.* Sargamak ýagdaýy.

**SARGAMAK** [sarğamak], *işl.* **1.** Birine bir zady berk tabşyrmak. *"Geläýse bazara barsyn" diýip sargap gaýdan ekeniň* (H. Derýaýew). *Atasy ogullaryna hemişe: "Eliňizden gelse, adama ýagsylyk ediň" diýip sargardy.* **2**. *gepl.d.* Biriniň bir zat alyp gelmegini sargyt etmek, sarmak. *Tapmadym men bazardan, Seniň sargan armydyň* (K. Taňrygulyýew).

**SARGAMAKLYK** [sarğamaklyk], *iş ady.* Sargamak ýagdaýy. *Gazet sargamaklyk üçin geldim.*

**SARGAMAZLYK** [sarğamazlyk], *iş ady.* Sargyt etmezlik.

**SARGAN** [sarğan], *at.* Owuz süýdünden bişirilip taýýarlanýan önüm. *Süýdünden sargan bolar, Ýüňünden urgan bolar* (Halk döredijiliginden). *Ak goýun süýdünden edilýän sary sarganyň tagamy nähili!* (B. Hudaýnazarow).

**SARGARMAK** [sarğarmak], *işl., k.d.* Saralmak. *Sepil boldum, jümle jahany ýörüp, Gapyl galdym, gam öýünde sargaryp* (Magtymguly).

**SARGARYP-SOLMAK** [sarğaryp-solmok], *işl., ser.* **Saralyp-solmak.** *Seniň hasratyňdan sargaryp-soldum, Jebri-tygyň bilen bagrymy dildiň* (Halk aýdymyndan).

**SARGAÝYŞ** [sarğaýyş], *iş ady.* Sargamak ýagdaýy.

**SARGY** [sarğy], *at.* **1.** Ýara ýapylýan bejergi daňysy. *Ol ýaramyň sargysyny täzeledi.* **2.** Atyň keçesiniň üstünden bilini saramak üçin öýdüme bilen owunjak nagyşlar salnyp dokalýan insizje zolak. **3.** Dokmanyň kiçijik kelep ýaly edilip saralan argaçlyk ýüpi.

**SARGYLT** [sa:rğylt], *syp.* Sary öwüsýän, sarymtyl. *Ol enaýy saýraýan sargylt bilbili görmek niýeti bilen, ondan-oňa ylgaýardy* (B. Kerbabaýew).

**SARGYT** [sarğyt], *at.* **1.** Biriniň başga birine bir zady aýtmagy, tabşyrmagy, ýerine ýetirmegi hakynda edilýän haýyş, tabşyryk. **2.** Bir ýerden haryt, önüm

we ş.m. almak üçin edilýän tabşyryk, buýurma ýumuş.

**SARKDYRMAK** [sarykdyrmak],*işl.* Syrykdyryp akdyrmak, syrykdyrmak. *Iýmek isleýärdi öwrenen garyn, Gyllygyn sarkdyrýar süýt içen erin* (P. Körpäýew). *Ganyny sarkdyrmak.*

**SARKMA** [sarykma],*iş ady.* Sarkmak ýagdaýy.

**SARKMAK** [sarykmak],*işl.* Syrygyp akmak, dökülmek, dammak. *Oraga kesdiren elinden ýere gany sarkyp ugrady.*

**SARKMAKLYK** [sarykmaklyk],*iş ady.* Sarkmak ýagdaýy.

**SARKYBERMEK** [sarkyvermek], *işl.* Sarkyp başlamak.

**SARKYNDY** [sarkynny], *at.* **1.** Gazanyň düýbünde nahardan galan ýuwundy şekilli galyndy. **2.** *gepl.d.* Suw akan ýapdan syrygyp, ýygnanyp akýan azajyk suw.

**SARKYRMA,** *iş ady.* Sarkyrmak ýagdaýy.

**SARKYRMAK,** *işl.* Çäýnegiň düýbünde galan çaýy syrykdyryp aýyrmak, dökmek.

**SARKYRMAKLYK,** *iş ady.* Sarkyrmak ýagdaýy.

**SARKYRMAZLYK,** *iş ady.* Çäýnegiň düýbünde galan çaýy syrykdyryp aýyrmazlyk, dökmezlik.

**SARKYRTMAK,** *işl.* Çäýnegiň düýbünde galan çaýy syrygyp gutarýança aýyrtmak, sarkyrmaga mejbur etmek.

**SARKYRYNMAK,** *işl.* Iň soňky damjasyna çenli zat galdyrman käsäňe guýunmak.

**SARKYRYŞ,** *iş ady.* Sarkyrmak ýagdaýy.

**SARKYŞ,** *iş ady.* Sarkmak ýagdaýy.

**SARKYŞMAK,** *işl.* Birnäçe ýerinden sarkmak. *Ol ýagyş suwy sarkyşyp duran ýapynjasyny çykardy.*

**SARLY,** *syp.* **1.** Berk, pugta. *Sarly mata.* **2.** *göç.m.* Ýürege täsir edýän ýagdaýlara döz gelip, çydap bilýän. *Onuň ýüregi sarlymyka diýýän.*

◊ **Sarly tutmak** berk, pugta, ykjam tutmak, batyrgaý ýapyşmak.

**SARLYRAK** [sarlyra:k], *syp.* Birneme sarly, az-owlak sarly. *Maňa mundanam sarlyrak mata gerek.*

**SARMAÇUWAL** [sarmaçuwol], *at.* Öýdüme bilen dokalýan, däne, un guýulýan çuwal.

**SARMAK I**, *at.***1**. Gulaç, dolak, çäkmenlik dokalanda ige atanaklaýyn saralyp, erşiň içinden geçirilýän argaç. **2**. *ser.* **Çüýke**.

**SARMAK II**, *işl.* Biriniň bir zat alyp gelmegini sargyt etmek, sargamak (2-nji manysy). Biriniň bir zat alyp gelmegini sargyt etmek, sarmak. *Ol bazara gidende her kim bir zat saryardy.*

**SARMAKLAŞMAK,** *işl., gepl. d, ser.* **Sarmanaklaşmak**. *Oglan bagşy bilen esli sarmanaklaşdy* ("Edebiýat we sungat").

**SARMANAKLAŞMAK**, *işl., gepl.d.* Biri bilen salyşmak, tutluşmak (uruş, basalaşyk we ş.m. hakynda). *Bike eje meniň aýalym bilen ýaka tutuşyp, tasdan sarmanaklaşypdy* (N. Pomma).

**SARMYK**, *at.* Gerek uzynlykda ýazylgy eliň daşyndan saralan we bir ujy bilen emele gelen halkanyň gap bilinden bir gezek aýlap boglan ýüp.

**SARNABERMEK** [sarna:vermek], *işl.* Sarnap ugramak.

**SARNALMAK**, *işl.* Ugursyz gürrüň edilmek, boş samahyllanmak.

**SARNAMA**, **1**. *iş ady.* Sarnamak ýagdaýy. **2**. Many bermeýän söz utgaşmasy. *Bu goşgy setirleriň, göwnüme bolmasa, sarnama bolup çykypdyr.*

**SARNAMAK**, *işl.* Boş samahyllamak, bolgusyz, ugursyz gürrüň etmek, ýaňramak. *Şonuň üçin pursatdan peýdalanyp, üsti-üstüne sarnap ugrady* (B. Kerbabaýew).

**SARNAMAKLYK**, *iş ady.* Sarnamak ýagdaýy.

**SARNAŞDYRMAK**, *işl.* Yzly-yzyna sarnamak. *Bagty bile gelewersin, Diýişdirip gaýta-gaýta, Ýetişdigme sarnaşdyrdym* (K. Gurbannepesow).

**SARNAŞMAK**, *işl.* Biri bilen uzak wagtlap bolgusyz gürrüň edişmek. *Siz bilen sarnaşyp durmaga bir eli boş adam gerek.*

**SARNATMAK**, *işl.* Bolgusyz gürrüň etdirmek, ýaňratmak.

**SARNAÝYŞ**,*iş ady.* Sarnamak ýagdaýy.

**SARP: sarp bolmak** harç bolmak, harçlanmak, ýoklanmak, sowlup tükenmek. *Olaryň köp wagty iliň işine sarp bolýar* (A. Gowşudow). **Sarp ediş** jemgyýetçilik önümini adamlaryň islegini kanagatlandyrmak üçin peýdalanma. **Sarp etmek** islegi kanagatlandyrmak üçin peýdalanmak; harçlamak.

**SARPA**,*at.* Birine goýulýan hatyra, hormat, sylag, gadyr-gymmat.

◊ **Sarpa goýmak** hormat goýmak, hormatlamak.

**SARPALY**, *syp.* **1**. Gadyr-gymmat goýulýan, hatyraly, hormatly, sylagly, sarpasy bar bolan. **2**. Tygşytly, aýawly. *Suwy sarpaly tutuň.*

**SARPALYRAK** [sarpalyra:k], *işl.* Gadyr-gymmaty deňeşdirilýäniňkä garaňda köpräk, hormatlyrak, hatyralyrak.

**SARPASYZ,** *syp.* Gadyr-gymmat goýulmaýan, hormatsyz, sylagsyz, hatyrasyz, sarpasy bolmadyk.

**SARSA: sarsa bolmak** çaganyň dogulmasy agyr bolmak, kynlyk bilen dogulmak.

**SARSAK,** *syp., ser.* **Sarsaňňy.**

**SARSAKLYK,** *at.* Sarsagyň ýagdaýy, tenteklik. *Sarsaklyk etmäň!*

**SARSAŇŇY,** *at.* Edenini-goýanyny bilmeýän, saňsar bolan, tentek.

**SARSDYRMAK** [saryssyrmak], *işl.* **1**. Titretmek, yrgyldy emele getirtmek. *Goşuň ileri burçunda ýatan iki adamyň horruldysy ýer sarsdyrýardy* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Alada goýmak; ýürek gopdurmak, elendirmek. *Bu sorag olaryň bütin durkuny sarsdyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**SARSGYN** [sarysğyn], *at.* Güýçli urgy, zarba we ş.m. netijesinde döreýän titreme, yrgyldy.

**SARSMA** [sarysma],*iş ady.* Sarsmak ýagdaýy.

**SARSMAK** [sarysmak],*işl.* Sarsgyn, güýçli yrgyldy emele gelmek, titremek. *Kuwwat-zorundan bütin kenar sarsyp gidýärdi* (B. Hudaýnazarow).

**SARSMAKLYK** [sarysmaklyk], *iş ady.* Sarsmak ýagdaýy.

**SARSMAZ** [sarysmaz], *syp.* Örän berk, pugta, mäkäm.

**SARSMAZLYK** [sarysmazlyk], *iş ady.* Sarsgyn, yrgyldy emele gelmezlik, titremezlik.

**SARSYBERMEK** [sarsyvermek], *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan sarsyp başlamak.

**SARSYŞ**, *iş ady.* Sarsmak ýagdaýy.

**SARUN** [sa:ru:n], *at.* Uly basyş bilen gysylyp, ýagy alnan pagta çigidiniň galyndysy.

**SARWAN** [sarwo:n], *at, k.d.* **1**. Düýe çopany. *Adyňnedir, ýigit? Diýdi: Ýa-da sen sarwanmy sen, çopanmy sen, bişikde galan doganjygymmy sen?* ("Kitaby dedem Gorkut"). **2**. Kerweniň başyny idýän adam, düýekeş. *Gidermen kerwen bolup, Kerwene sarwan bolup* (Halk döredijiliginden).

**SARY** [sa:ry] **I**, *syp.* **1**. Altynyň, bürünjiň, misiň reňkine meňzeş reňkdäki. *Sary ýaprak.* **2**.Oglana dakylýan at.

◊ **Saryň gaýnamak** gyzylödegiň garyn bilen birleşýän ýerinde ýanyp barýan ýaly ýakymsyz duýgy döremek. *Şeýle bolanda, birden gäkiligiň azyp, saryň gaýnamagy mümkindir* (B. Kerbabaýew). **Sary sadylla bolmak** näme etjegiňi bilmän ýaýdanmak, intizar bolmak, garaşyp durmak. **Sary ýüplüge dönmek** reňkiň saralyp, gaty horlanmak.

**SARY** [sa:ry] **II**, *k.d.* Tarap, ugur we ş.m. many aňladýan kömekçi söz. *Gulzumy gyr sanyp, kyrk ýol geçer men, Egerki meýl etse, ýar bizim sary* (Magtymguly). *Iş başynda ýatdan çykar gaýgy-gam, Boş bolsaň, sen sary urýar ol gadam* (A. Kekilow).

**SARYBALYK** [sa:ryva:lyk], *at.* Kiçijik, altynsow reňkli, teňňeli ýasyrak balyk.

**SARYBAŞ** [sa:ryvaş], *at, ser.* **Saryganat**.

**SARYBURUK** [sa:ryvuruk], *at.* Keçäniň gyrasyna sary ýüňden basylýan "egrije" nagşyna meňzeş nagyş.

**SARYÇÖP** [sa:ryçöp], *at, ösüml.d.* Boýag üçin ulanylýan dagda bitýän ot.

**SARYÇYRMAŞYK** [sa:ryçyrmaşyk], *at, ösüml.d.*Inçe sary baldak görnüşinde beýleki ösümliklere çyrmaşyp, ýelmeşip, olaryň hasabyna ösýän ot.

**SARYÇÝAN** [sa:ryçýa:n], *at.* Halynyň gyrasyna we beýleki el işlerine salynýan köp aýlawly nagyş.

**SARYDIŞ** [sa:rydi:ş], *syp.* Ýaşy bir çene baran, gartaşan (aýal maşgala hakynda). *Alsaň bir sarydiş garry aýaly, Oýnaşyp gülüşseň sapasy bolmaz* (Magtymguly).

**SARYGANAT** [sa:ryğa:nat], *at.* Halynyň älemine salynýan ortasy goçakly, ganat şekilli nagyş.

**SARYGARYNJA** [saryğarynja], *at.* Topar-topar bolup ýeriň üstünde we aşagynda, agaçlarda öýjük gurnup ýaşaýan we jaýlara, agaçlara uly zyýan ýetirýän garynja meňzeşräk mör-möjek (onuň iň köp ýaýran ýeri subtropik we tropik howaly ýerlerdir). *Öýüň üstüne goýlan pürsleri sarygarynja iýipdir.*

**SARYGAÝMA** [sa:ryğaýma], *at.* Tahýanyň depesine salynýan dört sany üçburç, sary nagyş.

**SARYGETIRME** [sa:ryğetirme], *at, lukmanç.* Endamyňa sary ornamak, reňkiň saralmak bilen ýüze çykýan howply bagyr keseli.

**SARYGOÇAK** [sa:ryğoçok], *at.* Nagşyň bir görnüşiniň ady.

**SARYGULAK** [sa:ryğulok], *at.* Aýal geýimlerine keşde bilen salynýan, içi dört bölege bölünýän, aralary ownuk nagyşly tegelek bejergi.

**SARYGÜL** [sa:ryğül], *at.* **1**. *ösüml.d.*Boýy 30-80 *sm* bolan, açyk sary reňkli gülli ösümlük. **2**. Gyza dakylýan at.

**SARYGYBERMEK** [saryğyvermek], *işl.* Sarygyp başlamak.

**SARYGYŞMAK** [saryğyşmak], *işl.* Suwy çekilip, birneme guraşmak, çalygyşmak. *Öýlerine baryp, olaryň her haýsy bilen aýratyn maslahatlaşýar we ýerler sarygyşan badyna etmeli işlerini tabşyryşdyrýar* (A. Gowşudow).

**SARYGYÝAK** [sa:ryğyýak], *at.* Sarysy agdyklyk edýän "gyýak" nagşy.

**SARYJA** [sa:rja] **I**, *syp.* **1**. Reňki sary we göze ýakymlyja. **2**. Oglana dakylýan at.

**SARYJA** [sa:rja] **II**, *at.* Türkmen goýnunyň ýüňi ak, tegelek guýrukly bir tohumy.

**SARYKDYRMAK**, *işl.* Öl zadyň, ýeriň birneme suwuny çekdirip guratmak, çalykdyrmak.

**SARYKMA**, *iş ady.* Sarykmak ýagdaýy.

**SARYKMAK**, *işl.* Öl zadyň, ýeriň we ş.m. suwy bugaryp, birneme guraşmak, çalykmak. *Kimler kak seryär, kimler biraz saryganlaryny çata galdyrýarlar* (B. Kerbabaýew). *Ýerimiz sarygyp, taba gelipdir.*

**SARYKMAKLYK**, *iş ady.* Sarykmak ýagdaýy.

**SARYKMAZLYK**, *iş ady.* Sarygyp ýetişmezlik, guraşmazlyk, çalykmazlyk.

**SARYLAMA** [sa:rylama], *iş ady.* Sarylamak ýagdaýy.

**SARYLAMAK** [sa:rylamak], *işl.* El işlerine salynýan nagşyň sary sapak bilen goşmaça bejergisini etmek.

**SARYLAMAKLYK** [sa:rylamaklyk], *iş ady.* Sarylamak ýagdaýy.

**SARYLANMAK** [sa:rylanmak], *işl.* Nagşyň bejergisi sary sapak bilen edilmek.

**SARYLAŞMAK** [sa:rylaşmak], *işl.* **1**. Sarylamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup sarylamak.

**SARYLATMAK** [sa:rylatmak], *işl.* Nagşa sary reňkli sapak bilen bejergi etdirmek. *Nagşy sarylatmak gerek.*

**SARYLYK** [sa:rylyk], *at.* Sary reňkde bolmaklyk, sary görnüşde bolmaklyk.

**SARYMAŇYZ** [sa:rymaňyz], *syp.* Akyl-huş taýdan doly ýetişmedik, bişişmedik, ýaş.

**SARYMEŇIZ** [sa:rymeňiz], *syp., ser.* **Saryýagyz**. *Sarymeňiz gyz.*

**SARYMSAK,** *at.* Ýiti ysly, ýiti tagamly, sogan görnüşli, düýbi diş-diş gök ekin. *Mellek owunjak pellere bölünip, sarymsak, sogan ýaly ekinler ekilipdir.*

**SARYMTYL** [sa:rymtyl], *syp.* Çala sary, sary öwüsýän, saryrak reňkli, sargylt. *Gök gowaçanyň üstünden sarymtyl güller ülpüldeşýär* (B. Kerbabaýew).

**SARYPAÇAK** [sa:rypaçak], *at.* "Tekegöl" nagşy görnüşindäki sekizburçlugyň içine salnan dört sany peýkam şekilli nagyş.

**SARYPOSALAK** [sa:ryposolok], *syp.* Sarydan gelen pökgi, etli-ganly. *Saryposalak, daýaw gyz şol wagtda onuň bütin ünsüni özüne çekýärdi* (B. Kerbabaýew).

**SARYRAK** [sa:ryra:k], *syp.* Birneme öçügräk sary. *Bu mata öňkä görä saryrak.*

**SARYSOLMAZ** [sa:rysolmoz], *at.* Sary gülli ot.

**SARYSYZA** [sa:rysyza], *at.* Boýy 20-80 santimetr birýyllyk, otjumak ýabany ösümlik.

**SARYTIKEN** [sa:rytiken], *at.* Dagda bitýän miwesiz, tikenli gyrymsy agaç.

**SARYÝAG** [sa:ryýa:ğ], *at.* Mesge eredilip alnan ýag. *Ony ellärsiň welin, saryýagyň ysy hapylap burnuňa urar* (B. Hudaýnazarow).

**SARYÝAGYZ** [sa:ryýağyz], *syp.* Adamyň ýüzüniň hem saçynyň reňki sary, sary öwüsýän, sarymeňiz. *Onuň güne ýanan ýüzüniň asyl reňki saryýagyzmy ýa-da bugdaý reňk, aýyl-saýyl eder ýaly däl* (A. Gowşudow).

**SARYÝAGYZRAK** [sa:ryýağyzyra:k], *syp.* Birneme saryýagyz, az-kem saryýagyz.

**SATAN,** *at.* Aýagyň çatalba çenli uzynlygy.

◊ **Satanynyň arasyndan geçmek** ýarymsaklyk, ýaranjaňlyk etmek.

**SATANLAK,** *syp.* Satanlary uzyn, uzyn satanly. *Satanlak gyr atynyň üç atlyk güýji bardy* ("Edebiýat we sungat").

**SATARLY**, *syp.* Satmagy ýüregine düwen, satmagy hyýallanýan. *Ol täzeje maşynyny satarly göründi. Ol düýesini satarly däl.*

**SATARLYK**, *at.* Satmaga ýarar ýalysy, satmaga ýaramlysy. *Üýşürip goýan garpyzlaryň güne ýatan ýa-da şikesli, köpüsiniň satarlygy ýok.*

**SATARMAN,** *syp.* Harydyny, malyny derrew satmakçy bolýan, satasy gelýän. *Gidip kimdendir bir satarmandan bir semiz öweji alyp gelip, gapysynda baglady* (A. Gowşudow).

**SATAŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Birini bir ýagdaýa we ş.m. duçar etmek, sezewar etmek, uçratmak. *Gahba pelek saldy hatarly jaýa, Meni sataşdyrdy sansyz belaýa* (Şeýdaýy). **2.** Birini ikinji biri bilen duşurmak, tapyşdyrmak. *Ýagdaý bizi bir edarada sataşdyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**SATAŞMA,** *iş ady.* Sataşmak ýagdaýy.

**SATAŞMAK,** *işl.* **1**. Bir zada duçar bolmak, uçramak, sezewar bolmak. *Säher wagty seýran edip gezerkäm, Ajap menzil, ajap jaýa sataşdym* (Magtymguly). **2**. Biri bilen duşmak, gabat gelmek. *Şu gün köne dostuma sataşdym.* **3**. *göç.m.* Biri bilen durmuş gurmak. *Şol ýeke çagam öz deňine-duşuna sataşsa bolýar* (H. Derýaýew).

**SATAŞMAKLYK,** *iş ady.* Sataşmak ýagdaýy.

**SATAŞMAZLYK,** *iş ady.* Birine duşmazlyk, gabat gelmezlik.

**SATDYRMAK,** *işl.* **1.** Harydy degişli bahasyna berdirmek. **2**. *göç.m.* Şugullamaga mejbur etmek.

**SATLYK,** *syp.* **1.** Satmak üçin niýetlenen, satmaga çykarylan, satmaga degişli. *Satlyk haryt. Satlyk goýun.* **2**. *göç.m.* Pula tutulan, pula satylan. *Satlyk adam*. **3**. Oglana dakylýan at.

**SATMA,** *iş ady.* Satmak ýagdaýy. *Sagyp oturan sygryny satmasy bolanok.*

**SATMAK,** *işl.* **1.** Harydy degişli bahasyna ýerlemek. *Hindistana bezirgenlik kylanlar, Malyn satyp geldi, bular gelmedi* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Kimdir birini başga birine ýamanlamak, şugullamak; dönüklik etmek.

**SATMAKLYK,** *iş ady.* Satmak ýagdaýy.

**SATMAZLYK,** *işl.* **1.** Harydy satlyga çykaryp ýerlemezlik. **2**. *goç. m.* Birini başga birine ýamanlamazlyk, şugullamazlyk;dönüklik etmezlik.

**SATUW,** *at.* Öndürilen önümleri satmaklyk, satyş. *Satuwa çykarmak. Bölek satuw.*

**SATYBERMEK** [satyvermek], *işl.* Satmaga başlamak, satyp ugramak; satmagy dowam etdirmek. *Pomidorlary, hyýarlary ak bazaryň göteren ýerinden satyber.*

**SATYJY**, *at.* Dükanlarda alyjylara haryt satýan söwda işgäri. *Mata dükanynyň satyjysy.*

**SATYJYLYK**, *at.* Satyjynyň käri, ýagdaýy.

**SATYLMAK**, *işl.* **1**.Belli bir möçberdäki pula berilmek. *2-3 sagadyň içinde 100 müň manatlyk önüm satyldy.* **2**. *göç.m.* Dönüklik edip, biriniň tarapyna geçmek, haýynlyk etmek. *Arman, bularyň bupirimini Mirhaýdara satylan Gaharguly han duşmana paş edipdir* (N. Pomma).

**SATYN: satyn almak** zat, pul berip, eýe bolmak.

**SATYP-SOWMAK** [satyp-sowmok], *işl.* Satyp ýoklamak, satyp harçlamak.

**SATYŞ,** *iş ady.* Satmak ýagdaýy.

**SATYŞMAK,** *işl.* **1**. Satmaga kömekleşmek. *Men agama dowar satyşdym.***2**. Bilelikde satmak. *Ol gawun satyşyp duran adamlaryň her haýsynyň gawunyny bahaladyp gördi.*

**SAWÇY** [sa:wçy], *at.* **1**. *kön.s.* Hoş habar aýdyjy. *Hüt-hüt aýdar: "Ilçiýem, Süleýmana sawçyýam"* (Magtymguly). **2**. Gelin edinmek maksady bilen gyzyň ene-atasynyň üstüne söz aýtmak üçin iberilýän adam, sözaýdyjy. *Sawçylar baryp, ol gyzyň atasy bilen guda bolup gaýdypdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**SAWÇYLAMA** [sa:wçulomo], *iş ady.* Sawçylamak ýagdaýy.

**SAWÇYLAMAK** [sa:wçulomok], *işl.* Gelin edinmek üçin gyzyň ene-atasynyňka gudaçylyga barmak, sawçylyk etmek.

**SAWÇYLAMAKLYK** [sa:wçulomokluk], *iş ady.* Sawçylamak ýagdaýy.

**SAWÇYLATMAK** [sa:wçulotmok], *işl.* Gudaçylyga ibermek, sawçylyga goýbermek.

**SAWÇYLYK** [sa:wçuluk], *at.* Sawçynyň ýagdaýy, sawçy bolup barmaklyk, söz aýdyjylyk.

*Äşebibi ýaly häli-şindi sawçylyga gelýänler onuň gonjuna gor guýýardy* (B. Kerbabaýew).

**SAÝ I**, *at, kön.s.***1**. Uly jar, çaý. **2**. *syp.* Çuň bolmadyk, ýalpak (suwly ýer hakda). *Ol ýüzüp bilmeýärdi, şonuň üçin-de, kenaryň saý ýerinde suwa düşdi* (B. Seýtäkow).

**SAÝ II**, *syp., ser.* **Saýyrdyň.** *Habar berlen mütdetinden saý atlylaryň ýola çykjagy şübhesizdi* (A. Gowşudow).

**SAÝA** [sa:ýa] **I**, *at.* **1**. Öňüni agajyň, jaýyň we ş.m. tutmagy netijesinde gün şöhlesi düşmeýän ýer, kölege. **2**. Gorap saklaýan güýç, pena, arkadaýanç; goldaw.

◊ **Saýa salmak** gorag astyna almak, gorap saklamak, pena bolmak. **Saýasynda saýalamak** biriniň goragynda, garamagynda bolmak. **Saýa taýaklamak** gybat etmek.

**SAÝA** [sa:ýa] **II**, *at, tikinç.* Telpek, gulakçyn ýaly başgaplar tikilende, ýörite ülňi boýunça biçilýän bir bölek. *Onuň telpeginiň dört saýasy bardy* ("Edebiýat we sungat").

**SAÝAK**,*at.* Del adam, ýat adam, nätanyş, keseki, saýry. *Öýüňde saýak saklama* (Nakyl).

◊ **Saýak ýörmek (gezmek)** erbet gezmek, ahlak taýdan bozulmak, ýoldan çykmak. *Saýak ýörme, taýak bar, şindiden däl, baýak bar* (Nakyl).

**SAÝALABERMEK** [sa:ýala:vermek], *işl.* Kölegeläbermek, kölegede bolubermek.

**SAÝALAMA** [sa:ýalama], *iş ady.* Saýalamak ýagdaýy.

**SAÝALAMAK** [sa:ýalamak], *işl.* **1**. Gögerip oturan agaç saýa salmak, onuň kölegesi düşmek. **2**. Saýada, kölegede bolmak, saýada, kölegede oturmak, kölegelemek. *Sakçylar gündizlerine şol kümejikde saýalap, töweregine gözegçilik edýärdiler* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Biriniň garamagynda, goragynda, penasynda bolmak.

**SAÝALAMAKLYK** [sa:ýalamaklyk], *iş ady.* Saýalamak ýagdaýy.

**SAÝALAŞMAK** [sa:ýalaşmak], *işl.* Birnäçe bolup, agajyň saýasynda kölegeläp oturmak.

**SAÝALATMAK** [sa:ýalatmak], *işl.* Saýada, kölegede boldurmak, saýada, kölegede oturtmak. *Munuň her bir düýbüniň astynda sürüli goýny saýalatmak mümkindi* (B. Kerbabaýew).

**SAÝALAÝYŞ** [sa:ýalaýyş], *iş ady.* Saýalamak ýagdaýy.

**SAÝALY** [sa:ýaly] **I**, *syp.* Saýa, kölege salýan. *Saýaly agaç.*

**SAÝALY** [sa:ýaly] **II**, *at.* Ülňi görnüşli saýa bilen biçilip tikilen.

**SAÝALYK** [sa:ýalyk], *syp.* Saýa bolar ýaly. *Saýalyk agaç.*

**SAÝALYRAK** [sa:ýalyra:k], *syp.* Azda-kände kölegeliräk, saýasy köpräk.

**SAÝAWAN** [sa:ýawa:n], *at.* Ýagyşdan, günden goranmak üçin kömelek görnüşli, ýazylyp-ýygnalýan enjam. *Ne-hä ellerinde saýawan bardy, ne-de bir dony* (K. Gurbannepesow).

**SAÝDYRMAK** [sa:ýdyrmak] **I**, *işl.* Golaýlatmak. *Günortanky çaýy öýläne saýdyryp içen çopanlardyr çoluklar göz baglanýança goýunlary bakmak bilen boldy* ("Edebiýat we sungat").

**SAÝDYRMAK** [sa:ýdyrmak] **II**, *işl.* Saýgyç bilen saýyp tüýtdürmek, ýazdyrmak. *Ýüň saýdyrmak.*

**SAÝGAK** [saýğak], *at.* Çölde ýaşaýan goşa toýnakly, gäwüş gaýtarýan keýige meňzeş süýdemdiriji haýwan.

**SAÝGARMA** [saýğarma], *iş ady.* Saýgarmak ýagdaýy.

**SAÝGARMAK** [saýğarmak], *işl.* **1**. Çala görmek, aňşyrmak. *Ol ýoluny çala saýgarýardy.* **2**. Aýyl-saýyl etmek, tanamak, bilmek, tapawutlandyrmak. *Ýagşyny, ýamany saýgarmak.*

**SAÝGARMAKLYK** [saýğarmaklyk], *iş ady.* Saýgarmak ýagdaýy.

**SAÝGARMAZLYK** [saýğarmazlyk], *iş ady.* Aýyl-saýyl etmezlik, bilmezlik.

**SAÝGARTMAK** [saýğartmak], *işl.* Saýgarmak mümkin bolmak. *Depelikler çala sudur bolup, zordan saýgardýardy* (T. Gurbanow).

**SAÝGARYLMAK** [saýğarylmak], *işl.* Görüp bolmak, saýgarmak mümkin bolmak. *Ol iň soňky bir ýerde aýak çekip, yzyna garanda, mekdebiň çal demri çala saýgarylýardy* (B. Kerbabaýew).

**SAÝGARYŞ** [saýğaryş], *iş ady.* Saýgarmak ýagdaýy.

**SAÝGYÇ** [sa:ýğyç], *at.* Ýüň saýmak üçin ulanylýan uzyn çeýe çybyk. *Ýylgyndan ýasalan saýgyç.*

**SAÝGYÇLAMA** [sa:ýğyşlama], *iş ady.* Saýgyçlamak ýagdaýy.

**SAÝGYÇLAMAK** [sa:ýğyşlamak], *işl.* Keçe ediljek ýüňi saýgyç bilen urup ýazmak. *Ýüň saýgyçlamak.*

**SAÝGYÇLAMAKLYK** [sa:ýğyşlamaklyk], *iş ady.* Saýgyçlamak ýagdaýy.

**SAÝGYÇLANMAK** [sa:ýğyşlanmak], *işl.* Keçe ediljek ýüň saýgyç bilen urlup ýazylmak.

**SAÝGYÇLAŞMAK** [sa:ýğyşlaşmak], *işl.* **1**. Saýgyçlamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup ýüňi saýgyç bilen urup ýazmak.

**SAÝGYÇLATMAK** [sa:ýğyşlatmak], *işl.* Saýgyçlamak işini başga birine etdirmek; saýgyçlamaga mümkinçilik döretmek, ýol bermek. *Munça ýüňi kime saýgyçlatjak?*

**SAÝGYÇLAÝYŞ** [sa:ýğyşlaýyş], *iş ady.* Saýgyçlamak ýagdaýy.

**SAÝGYLABERMEK** [sa:ýğyla:vermek], *işl.*

**1**. Saýgylamaga başlamak. **2**. *göç.m.* Söz bilen urubermek, teýeneli söz aýdyp käýäbermek.

**SAÝGYLAMA** [sa:ýğylama], *iş ady.* Saýgylamak ýagdaýy.

**SAÝGYLAMAK** [sa:ýğylamak], *işl.* **1**. Gamçy, çybyk we ş.m. zat bilen yzygiderli urmak, ýençmek. **2**. *göç.m.* Teýeneli söz aýdyp käýemek, ýüzüni almak, ýazgarmak, söz bilen urmak. *Öňki aýdanlary bilen çäklenmän, ony has hem beter saýgylasy geldi* (B. Kerbabaýew).

**SAÝGYLAMAKLYK** [sa:ýğylamaklyk], *iş ady.* Saýgylamak ýagdaýy.

**SAÝGYLANMAK** [sa:ýğylanmak], *işl.* **1**. Gamçy, çybyk we ş.m. bilen yzygiderli urulmak, ýenjilmek. **2**. *göç.m.* Teýeneli söz aýdylyp käýelmek, ýazgarylmak.

**SAÝGYLAŞMAK** [sa:ýğylaşmak], *işl.* **1**. Biri-biriňi saýgylamak (*saýgylamak* sozüniň **1**-nji manysy boýunça). **2**. *göç.m.* Birnäçe bolup teýeneli söz aýdyp, biriniň ýüzüni almak.

**SAÝGYLATMAK** [sa:ýğylatmak], *işl.* **1**. Başga birine gamçy, çybyk we ş.m. zat bilen urdurmak, ýençdirmek; öz saýgylanmagyňa ýol bermek. *Özüň ýaly adama saýgyladyp durarlarmy?***2**. *göç.m.* Başga birine teýeneli söz aýtdyrmak, ýüzüňi aldyrmak.

**SAÝGYLAÝYŞ** [sa:ýğylaýyş], *iş ady.* Saýgylamak ýagdaýy.

**SAÝHAL,** *at.* Saýhalla mahsus häsiýet, edimgylym. *Sende saýhal diýen zatdan nam-nyşan ýok.*

**SAÝHALLABERMEK** [saýhalla:vermek], *işl.* Saýhallamaga başlamak. *Kitaplary saýhallamak.*

**SAÝHALLAMA**, *iş ady.* Saýhallamak ýagdaýy.

**SAÝHALLAMAK**, *işl.* Tertip-düzgüne salmak, ýerli-ýerinde goýmak, tertipleşdirmek.

**SAÝHALLAMAKLYK**, *iş ady.* Saýhallamak ýagdaýy. *Kitaplary saýhallamaklyk köp wagtymy aldy.*

**SAÝHALLAMAZLYK**, *iş ady.* Ýerli-ýerinde goýup, tertip-düzgüne salmazlyk.

**SAÝHALLANMAK I**, *işl.* Öňki bolşuna seredeniňde has saýhally bolmak. *Öň garagol bolanam bolsa, indi sahallanypdyr.*

**SAÝHALLANMAK II**, *işl.* Ýerli-ýerinde goýlup, tertip-düzgüne salynmak.

**SAÝHALLAŞMAK**, *işl.* **1**.Saýhallamaga kömek etmek. **2**. Birneme azalyşmak, köşeşmek. *Çalýan mukamlary hem göwnüňe saýhallaşan ýaly* ("Edebiýat we sungat").

**SAÝHALLATMAK**, *işl.* Saýhallamak işini başga birine etdirmek.

**SAÝHALLAÝYŞ**, *iş ady.* Saýhallamak ýagdaýy.

**SAÝHALLY**, *syp.* **1**.Salykatly, edepli. *Ol howlukman, töweregine garanjaklap, saýhally ädimleýärdi* ("Mugallymlar gazeti"). *Saýhally adam bilen gürrüň edeniňde, ýüküň ýeňlän ýaly bolýar* (A. Annaberdiýew). **2**. Gelşikli, owadan; ýerbe-ýer. *Görgejin bitakat erdim, elhepus saýhally saçyň* (Mätäji).

**SAÝHALLYLYK**, *at.* Saýhally bolmaklyk, salykatlylyk, edeplilik. *Saýhallylyk adamy adamkärçilikli edýär.*

**SAÝHALLYRAK** [saýhallyra:k], *syp.* Deňeşdirilýän-den adamdan azda-kände saýhally, salykatlyrak. *Ulusy kiçisine görä saýhallyrak görünýär.*

**SAÝHALSYZ**, *syp.* Saýhaly ýok, saýhally däl. *Saýhalsyz adam.*

**SAÝHALSYZLYK**, *at.* **1**. Saýhaly ýokluk, saýhally dällik. *Saýhalsyzlyk halanmaýan häsiýet.*

**SAÝLAGYÇ** [saýlağyç], *syp.* Bir zady saýlamagy, saýgaryp-seçip almagy oňat görýän.

**SAÝLAMA I**, *iş ady.* Saýlamak ýagdaýy.

**SAÝLAMA II**, *syp., at.* Hili, görnüşi boýunça beýlekilerden saýlanyp duran, saýlanyp aýrylan, seçilip alnan, iň gowusy.*Saýlama nagyşlar salyp, Seýdä tahýa-da eltipdir* (N. Pomma). *Saýlama gawun. Garpyzlaryň saýlamasy.*

**SAÝLAMAK**, *işl.* **1**. Meňzeş zatlaryň içinden ýararlysyny almak ýa-da peýdalanmak üçin aýryp goýmak. *Okamak üçin saýlan kitaplaryny gyrada goýdy. Gowy bişen torly gawunlary saýlady.* **2**. Ses bermek arkaly saýlawly wezipä bellemek. *Saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuk. Ony kärdeşler arkalaşygynyň ýerli guramasyna saýladyk.* **3**. Nahary, iýmiti dandap iýmek (*aş saýlamak* durnukly söz düzümi bilen deňeşdir). *Aşgazany kemli bolansoň, ol nahary saýlap iýýär.* **4**. Iň gowusyny almak, eýlesine geçirmek, saýlap-seçmek. *Tutdum bir seni baryndan saýlap, Lebleri şekerden mazaly geldi* (Magtymguly).

◊ **Aş saýlamak** *ser.* **Aş: aş saýlamak**.

**SAÝLAMAKLYK,** *iş ady.* Saýlamak ýagdaýy.

**SAÝLAMAZLYK,** *iş ady.* Saýlap-seçip almazlyk.

**SAÝLAN** [saýla:n], *at.* Keçä, hala, kürtä, we ş.m. salynýan aýlawly burma nagyş.

**SAÝLANMAK,** *işl.* **1**. Meňzeş zatlaryň içinden ýararlysy alynmak ýa-da peýdalanmak üçin aýrylyp goýulmak. **2**. Ses bermek arkaly saýlawly wezipä bellenmek. *Onuň saýlanmagyna men-ä iki elläp razy.* **3**.Bir zadyň içinden iň gowusy seçilip alynmak. *Bu saýlanyp alnan tohum at.* **4**. Köpçülikden ýa-da bir ýerden uzaklaşmak, araňy açmak, çetleşmek. *Olar ilki iki ýany gowaçylyk ýol bilen gitdiler, soňra ekinçilikden saýlanyp, ýoda çykdylar* (N. Esenmyradow). **5**. Syraty, görk-görmegi, salykatlylygy bilen beýlekilerden tapawutlanmak. *Onuň märekede saýlanyp duran gelni bardy.* **6**. Ýokary galyp başlamak. *Gögeren gämikler ýerden ýaňy saýlanypdy. Gyzaryp dogan gün ýany ýerden saýlanypdy.*

**SAÝLANTGY,** *syp.* Köp zadyň içinden seçilip, saýlanyp, seljerilip alnan, saýlama. *Ol saýlantgylaryň hataryna girdi.*

**SAÝLANYLMAK,** *işl.* Saýlanyp, seçilip alynmak.

**SAÝLAP-SEÇMEK** [saýla:p-seçmek], *işl.* Seçip-seljerip saýlamak, iň gowusyny saýlap almak.

**SAÝLAŞDYRMAK,** *işl.* **1**. Köp zadyň içinden gowusyny ýa-da erbedini saýlap çykmak. *Men oňa Çarynyň aýdanlaryny, özümiňkileri ýazyşdyryp, Baýrama görkezeýin, ol maňa saýlaşdyryp şu zatlary alsaň bolar diýer* (A. Durdyýew). **2**. Bir topar zadyň içinden gowusyny saýlap almak. *Ol maňa:"Saýlaşdyryp alsaň bolýar" diýdi.*

**SAÝLAŞMAK,** *işl.* **1**. Bir topar zadyň arasyndan gowularyny saýlamaga kömekleşmek. *Dostum bilen bazara bile gidip, oňa garpyz saýlaşdym.* **2**. Bilelikde saýlamak. *Iki dogan pazyllaryň arasynda aýlanyp, bişen garpyzlary saýlaşyp ýördüler.*

**SAÝLATMAK,** *işl.* **1**. Saýlamak işini başga birine etdirmek. *Garpyz tanaýan adama bäş sany bişenini saýlatsana!* **2**. Saýlamaga mümkinçilik

döretmek, ýol bermek. *Saýlap aljak weli, satyjy almalaryň gowusyny saýladarmyka?* **3**. Saýlanmagyňy gazanmak. – *Şu wezipä saýlanasyň gelýärmi? – Saýlasalar saýlatjak.*

**SAÝLAW** [saýlow], *at*. **1**. Ses bermek arkaly (deputatlary, dowlet bastutanyny, wezipeli adamlary, guramalaryn agzalaryny) saýlamaklyk. **2**. Saýlap alyş, seçip alyş. **3**. Oglana dakylýan at.

**SAÝLAWÇY** [saýlowçy], *at*. Saýlawa gatnaşyp, ses bermäge hukugy bolan adam.

**SAÝLAWLY** [saýlowly], *syp*. Saýlaw, saýlamak arkaly bellenýän. *Saýlawly organ*.

**SAÝLAÝYŞ,** *iş ady.* Saýlamak ýagdaýy.

**SAÝMA** [sa:ýma], *iş ady.* Saýmak ýagdaýy.

**SAÝMAK** [sa:ýmak] **I**, *işl*. Hasap etmek, hasaplamak, öýtmek. *Eşek özün egsik saýmaz bedewden, Gymmat etseň, at ýanynda bellidir* (Magtymguly).

**SAÝMAK** [sa:ýmak] **II**, *işl*. **1**. Saýgyç bilen saýyljak ýüňi urup ýazmak, saýgylamak. *Ýorgana salmak üçin ýygnap ýören ýarym halta çüprek ýüňüni tüýdüp çykdy, ony saýdy* (A. Durdyýew). **2**. Eline gamçy, taýak, we ş.m. alyp urmak, ýençmek. *Beýdip ogluňy saýma, bir ýerini möçükdirersiň, bes ederçe boldy*.

**SAÝMAKLYK** [sa:ýmaklyk], *iş ady.* Saýmak ýagdaýy.

**SAÝMAZLYK** [sa:ýmazlyk], *işl.* **1**. Hasaplamazlyk, öýtmezlik. **2**. Saýgyç bilen urup ýazmazlyk. **3**. Eline gamçy, taýak, we ş.m. alyp urmazlyk, ýençmezlik.

**SAÝPAL: saýpal tapmak**. *ser*. **Saýpallamak**.

**SAÝPALLABERMEK** [saýpalla:vermek], *işl.* Saýpallap başlamak.

**SAÝPALLAMA**, *iş ady.* Saýpallamak ýagdaýy.

**SAÝPALLAMAK**, *işl.* Selçeňlemek, azalmak, saýpal tapmak, gutaraňkyrlamak. *Ýaz otlarynyň samany eýýäm saýpallapdy.*

**SAÝPALLAMAKLYK**, *iş ady.* Saýpallamak ýagdaýy.

**SAÝPALLAMAZLYK**, *iş ady.* Selçeňlemezlik, azalmazlyk.

**SAÝPALLAŞDYRMAK**,*işl.* Birneme azaltmak, selçeňletmek. *Onsoň hem içeriniň zatlaryny saýpallaşdyraýyn* (R. Gelenow).

**SAÝPALLAŞMAK**, *işl.* Dura-bara azalmak, azalyp başlamak. *Gün gijikdigi saýy olaryň öňlerinden barýan bazarçylar saýpallaşýardy* (B. Seýtäkow).

**SAÝPALLATMAK**, *işl.* Azaltmak, gutaraňkyrlatmak. *Olar bazara satmaga getiren harytlaryny saýpallatdylar.*

**SAÝPALLAÝYŞ**, *iş ady.* Saýpallamak ýagdaýy.

**SAÝRABERMEK** [saýra:vermek], *işl.* Saýrap başlamak.

**SAÝRAK**, *syp*. **1**. Owazly saýraýan, gowy we köp saýraýan. *Saýrak guşlar bilen gelen gözel ýaz, Aýdyp ber sen maňa, nähili heň bu?* (R. Seýidow). **2**. *göç.m*. Çeper sözleýän, oňat aýdym aýdýan. *Şol bagty zehinli ýaşlarymyz saýrak dillerde wasp edýär* ("Edebiýat we sungat").

**SAÝRAMA,** *iş ady.* Saýramak ýagdaýy.

**SAÝRAMAK,** *işl.* **1**. Owazly, ýakymly ses çykarmak. *Säher-säher şirin saýran torgaýlar, jöwzaň günortany çöpe busupdyr* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m*. Çeper gürlemek; owazly aýdym aýtmak. *Kemin ýazsam, doly many çykanok, Güň bolupdyr, şindi saýran tillerim* (Şeýdaýy). – *Aýterek! – Günterek. – Bizden size kim gerek. – Saýrap duran dil gerek* (Halk döredijiliginden). **3**. *göç.m.* Gorkuzylanyň üçin syryňy paş edip, bilýäniňi aýtmak.

**SAÝRAMAKLYK**,*iş ady.* Saýramak ýagdaýy.

**SAÝRAMAZLYK**, *iş ady.* Owazly ses çykarmazlyk.

**SAÝRAŞMAK**,*işl.* Köp bolup saýramak, hoş owazly ses edişmek. *Bilbiller saýraşýan hezil bagyňda, Gyzyl gülleriňi tirmek isleýän* (A. Kowusow).

**SAÝRATMAK**, *işl.* **1**. Owazly ses çykartmak. *Çal dutaryň, saýrat bagşy...* (Ş. Kekilow). **2**. *göç.m*. Gorkuzyp dogrusyny aýdar ýaly etmek.

**SAÝRAÝYŞ**, *iş ady.* Saýramak ýagdaýy. *Bilbilleriň saýraýşy örän gowy.*

**SAÝRY**,*at*. Keseki ýerden gelen, gelmişek, keseki, ýat. *Beýle diýsem saýry saýýandyr öýdäýmäň* (R. Gelenow).

**SAÝ-SEBÄP** [sa:ý-sevä:p]**: saý-sebäp bilen** nähilidir bir sebäp, bahana bilen, tötänden, oslanmadyk ýerden. *Saý-sebäp bilen tanyş bolduk* (B. Kerbabaýew).

**SAÝT** [sa:ýt], *at*. **1.** Kompýuter sistemasynyň haýsydyr bir maglumatlar ýerleşdirilen bölegi. **2.** Internet ulgamynda şu ulgamdan peýdalanyjy adama, gurama ýa-da edara haýsydyr bir habary ýerleşdirmek üçin berilýän ýer. *Öz saýtyňy döretmek.*

**SAÝY**, *syp*. Iri, uly. *Alyn dişleri saýy, ak, sagdyn* (Ç. Aşyrow).

**SAÝY** [sa:ýy], *köm. s., ser.* **Saýyn.** *Gördük saýy, köňül sowar, Sabyrsyz, kararsyz ärden* (Magtymguly).

**SAÝYBERMEK** [sa:ýyvermek], *işl.* Saýyp başlamak.

**SAÝYL** [sa:ýyl], *at, k.d.* Gedaý, dilegçi, mätäç;sergezdan, diwana. *Kimlerde altyn täçdir, Kimler saýyl mätäçdir* (Magtymguly). *Men bir diwana saýyl, Sen-sen soltany adyl* (Kätibi).

**SAÝYLMAK** [sa:ýylmak] **I**, *işl.* Saýgyç bilen urlup ýazylmak.

**SAÝYLMAK** [sa:ýylmak] **II**, *işl.* **1**. Hasap edilmek, hasaplanmak. *Kemal baradaky myş-myşlar indi bireýýäm çyn saýylýar* (N. Jumaýew). **2**. Degişli hasaplanýar, degişli edilýär. *Ýakyndan gatnaşsagam, ol bizden däl, pylanylara saýylýar*.

**SAÝYM** [sa:ýym], *syp*. Bir gezek saýmak üçin bölünip alnan ýüň, çöpür. *Iki saýym ýüň.*

**SAÝYMLYK** [sa:ýymlyk], *syp*. Bir gezek saýmak üçin üýşürilen (ýüň). *Saýymlyk ýüň.*

**SAÝYN** [sa:ýyn], *Gitdigiçe, gördügiçe, golaýlaşdygyça* ýaly sözlerdäki *-ça, -çe* goşulmalarynyň manysynda we wagt bildirýän

sözlere goşulyp, dowamlylygy aňlatmak üçin ulanylýan sözsoňy kömekçi. *Otly gitdigi saýyn badyny çaltlandyrýardy.*

**SAÝYRDYŇ**, *syp., gepl.d.* Iri, daýaw, deşli, saýlama, saýlantgy. *Syýlarynyň ujuny biline gysdyran ýaş ýigitler gaty saýyrdyň görünýärdi* (B. Seýtäkow).

**SAÝYŞ** [sa:ýyş], *iş ady.* Saýmak ýagdaýy.

**SAÝYŞDYRMAK** [sa:ýyşdyrmak], *işl.* Saýymlyk ýüňleri saýyp çykmak, üýşürilen ýüňleriň hemmesini saýmak.

**SAÝYŞMAK** [sa:ýyşmak], *işl.* **1**. Saýgyç bilen saýmaga kömekleşmek. *Ejeme ýüň saýyşdym.***2**. Birnäçe bolup saýmak. *Aýallar şemal gelmeýän ýerde ýüň saýyşyp otyrlar.*

**SAÝÝAR** [saýýa:r], *at, k.d.* Seýil ediji, gezende. *Gähi saýýar men ýene* (Andalyp).

**SAÝÝARA** [saýýa:ra], *at.* Günüň daşynda aýlanyp, ondan ýagtylyk we ýylylyk alýan asman jisimi, planeta.

**SAÝÝAT** [saýýa:t], *at, k.d.* **1**. Awçy, aw awlaýan adam. *Okum hata geçmez, ursam alar men. Sagdagyna ok düzen saýýat bolar men* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Bir zadyň hyrydary. *Wamyk kimin ýanyp bişen, şol jereniň saýýady men* (Talyby). *Men saýýadam, sen bir jeren, Ýele garşy sogup baran* (Mätäji).

**SAZ** [sa:z] **I**, *at.* Gür gamyş, çöp basan ýer. *Ol Birekden gorkusyna saza tarap gaçyp gitdi. Birek yzyna düşdi, kowa-kowa saza dykdy* ("Kitaby dedem Gorkut").

**SAZ** [sa:z] **II**, *at.* **1**. Bir ýa-da birnäçe sesiň, birnäçe äheňiň sazlaşykly utgaşdyrylmagy bilen içki duýgular, pikirler beýan edilýän sungat eseri. *Şirin sazlar göwünleri galkyndyrýar. Halk sazy. Klassyky saz.* **2**. *göç.m.* Ses, owaz. *Dürli guşlaň gurýan şadyýan sazy, Wasp edýär bu bagyň gözel görküni* (R. Alyýew). **3**. *kön.s.* Barmak bilen çirtilip çalynýan kirişli saz guraly (sazyň daşky gurluşy dutara meňzeş bolup, ol gaty agaçdan köwlüp ýasalýar, sapy kädisine birikdilip, 10 kirşi, 14 perdesi bolýar). *Garajaoglan diýip olaýsa sozüm, Aýdaýyň astynda towapdyr ýüzüm. Garylmyş perdesi, çalmyýýr Sazym, Sazlar düzgün tutmaz, tarlar perişan* (Garajaoglan).

◊ **Saz belgisi** saz seslerini ýazmak üçin ulanylýan ýazgy, nota. **Saz etmek** dutar çalmak, dürli saz gurallarynda heňi ýerine ýetirmek.

**SAZ** [sa:z] **III,** *syp.* **1**. Bozulmadyk, gurat, düzüw. *Sagat ýaly saz işleýär.* **2**. Aralary bozuk bolmadyk, ylalaşykly, oňat, agzybir, dostlukly. *Olaryň ikisiniň arasy gaty saz.* **3**. Keýpi kök. *Annatuwak bilen Amanyň keýpi nähili sazdy* (B. Kerbabaýew). **4**. Göwnejaý, ýerlikli, dogry. *Az bolsun, saz (uz) bolsun* (Atalar sözi). *Soltanýaz begiň geňeşinde hem ol az hem-de saz geplär ekeni* (N. Pomma). **5**. *gepl.d.* Jebis. *Äpişge-gapyny saz ýapylar ýaly etmek.*

**SAZAK** [sa:zak], *at.* **1**. Gumluk ýerlerde, çägeliklerde bitýän, gurakçylyga çydamly pürli agaç. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Ak sazak** ösüp oturan sazak (antonimi: *ojar*).

**SAZAKLYK** [sa:zaklyk], *at.* Sazagyň köp gögerip oturan ýeri, sazakly ýer. *Gür sazaklyk.*

**SAZAKÝARAN** [sa:zakýa:ran], *at.* Gyşyň soňky aýlarynda ösýän sowuk şemal.

**SAZANAKLABERMEK** [sa:zanakla:vermek], *işl.* Çekinmekden, üşemekden ýaňa zowzuldabermek, sazanaklamaga başlamak.

**SAZANAKLAMA** [sa:zanaklama], *iş ady.* Sazanaklamak ýagdaýy.

**SAZANAKLAMAK** [sa:zanaklamak], *işl.* Gorkudan ýaňa ýaýdanmak, ýaýdanjyramak. *Men birbada näme etjegimi bilmän, sazanaklap durdum.*

**SAZANAKLAMAKLYK** [sa:zanaklamaklyk], *iş ady.* Sazanaklamak ýagdaýy.

**SAZANAKLAŞMAK** [sa:zanaklaşmak], *işl.* Birnäçe bolup sazanaklamak, ýaýdanmak. *Sazanaklaşyp duranymyz gözümiň öňünden hiç gidenok* (R. Allanazarow).

**SAZANAKLATMAK** [sa:zanaklatmak], *işl.* Sazanaklar ýaly etmek, sazanaklamaga mejbur etmek.

**SAZANAKLAÝYŞ** [sa:zanaklaýyş], *iş ady.* Sazanaklamak ýagdaýy. *Olaryň sazanaklaýşyna haýpyň gelýär.*

**SAZANDA** [sa:zanna], *at.* Dutarda saz çalmak bilen meşgul bolýan adam, sazandar, sazçy. *Sazanda ölse, ýer iňňildär* (Türkmen pähimi). *Ol sazandady — diňe saz çalýardy. ...Ýöne welin onuň ady il içinde «Şükür sazanda» diýlip ýöredilmän, «Şükür bagşy» diýlip ýöredilerdi* (N. Saryhanow).

**SAZANDALYK** [sa:zannalyk], *at.* Saz çalyjynyň,sazandanyň käri, ýagdaýy. – *Kär sazandalykdyr, han aga – diýip, bagşy şol bir çök düşüp oturyşyna jogap berdi* (N. Saryhanow).

**SAZANDAR** [sa:zanna:r], *at, ser.* **Sazanda.** *Aradan salym geçmänkä bolsa saz gurallary peýda bolup, sazandarlar bilen bagşy orta geçdi* (B. Kerbabaýew).

**SAZANDARLYK** [sa:zanna:rlyk], *at, ser.* **Sazandalyk.** *Menem kä zergärlik, käte-de sazandarlyk, käte hem şahyrçylyk edýärin* (N. Pomma).

**SAZARMAK** [sa:zarmak], *işl., gepl.d.* Daň saz berip, günüň dogýan ýeri agaryp başlamak.*Ýeňse kem-kemden sazaryp, agaryp, ýyldyzlary ýeke-ýekeden ýuwutmaga başlady* (H. Derýaýew).

**SAZÇY** [sa:zçy], *at, ser.* **Sazanda**. *Bagşymy sazçylar gelýär* (Ç. Aşyrow).

**SAZÇYLYK** [sa:zçylyk], *at.* Saz sungatyna degişli. *Sazçylyk mekdebi. Sazçylyk okuwy. Sazçylyk sungaty.*

**SAZHON** [sa:zho:n], *syp.* Saza höwesli, sazy gowy görýän.

**SAZLABERMEK** [sa:zla:vermek], *işl.* **1**. Saz gurallaryny sazlap başlamak. *Kadyr dutaryň kirişlerini sazlaberdi.* **2**. Düzgüne getiribermek. **3**. Biri bilen arasyny sazlap ugramak.

**SAZLAMA** [sa:zlama], *iş ady.* Sazlamak ýagdaýy.

**SAZLAMAK** [sa:zlamak], *işl.* **1**. *sazç.* Saz gurallarynyň kirşini çekip, gerekli owaza gurmak. *Sazandalar dutarlaryny sazlap başladylar.* **2**. Gerekli enjamyň işleýşini düzetmek. *Ol radionyň sesini sazlady.* **3**. Biri bilen araňy gowulandyrmak, dostlaşmak, ysnyşmak. *Tejribeli miraplar bilen arasyny sazlady* (N. Pomma).

**SAZLAMAKLYK** [sa:zlamaklyk], *iş ady.* Sazlamak ýagdaýy.

**SAZLANMAK** [sa:zlanmak], *işl.* **1**. Saz gurallarynyň kirşi çekilmek, düzülmek. *Ýetginjek sazandalar dutarlaryny sazlap, çalmaga başladylar* (A. Gowşudow). **2**.Gerekli enjamyň işleýşi düzedilmek. *Motoryň işleýşi sazlandy.* **3**. Biri bilen araň gowulanmak, dostlaşmak.

**SAZLANYŞ** [sa:zlanyş], *iş ady.* Sazlamak ýagdaýy.

**SAZLAŞDYRMAK** [sa:zlaşdyrmak], *işl.* Sazlap çykmak.

**SAZLAŞMAK** [sa:zlaşmak], *işl.* **1**. Sesler biri-biri bilen sazlaşykly çykmak. **2**. Biri-biri bilen utgaşmak. *Ojak-tamdyrlardan çabyrap çykýan ýiti ýalyn ikindiniň gyrmyzy şapagy bilen sazlaşyp, oba birhili geň-enaýy dabara berýärdi* (G. Kulyýew).

**SAZLAŞYK** [sa:zlaşyk], *at.* Gurşap alan tebigatda aýry-aýry zatlaryň biri-biriniň üstüni ýetirmegi, goşulyşmagy arkaly özara utgaşmasy. **2**. *sazç.* Birnäçe sesiň bilelikde goşulyp utgaşmasy. *Dutardan çykýan sesleriň sazlaşygy.*

**SAZLAŞYKLY** [sa:zlaşykly], *syp.* **1**. Goşulyşyp, yzygiderli bir äheňde gidýän (ses hakynda). **2**. Utgaşykly. *Işler sazlaşykly alnyp barylýar.*

**SAZLAŞYKLYLYK** [sa:zlaşyklylyk], *at.* Sazlaşygy barlyk, sazlaşykly bolmaklyk.

**SAZLAŞYKLYRAK** [sa:zlaşyklyra:k], *syp.* Birneme sazlaşykly.

**SAZLAŞYKSYZ** [sa:zlaşyksyz], *syp.* Goşulyşyp gitmeýän, sazlaşmaýan. *Dumly-duşdan guş-gumrularyň sazlaşyksyz owazy eşidilýär* (G. Kulyýew).

**SAZLAŞYKSYZLYK** [sa:zlaşyksyzlyk], *at.* Sazlaşygy ýokluk, sazlaşykly dällik.

**SAZLATMAK** [sa:zlatmak], *işl.* Sazlamak işini birine etdirmek. *Dutary sazlatmak.*

**SAZLAÝJY** [sa:zlaýjy], *at.* Sazlap işlär ýaly edýän, kemçiligi düzedýän adam. *Stanoklary sazlaýjy.*

**SAZLAÝYŞ** [sa:zlaýyş], *iş ady.* Sazlamak ýagdaýy.

**SAZLY** [sa:zly], *syp.* Saz bilen ýerine ýetirilýän, saz bilen berilýän, eşitdirilýän; gapdalyndan saz goşulýan. *Sazly arakesme. Sazly gepleşik. Sazly drama.*

**SAZLYK** [sa:zlyk] **I**, *at, gepl.d.* **1**. Giden gamyşlyk, hyşalyk ýer. *Sygry sazlygyň içinden alyp geldiler.*

**SAZLYK** [sa:zlyk] **II**, *at.* Ylalaşykly, arkalaşykly ýagdaý, agzybirlik. *Durmuşyň lezzeti maşgala sazlygynda ýüze çykýar.*

**SAZLYK** [sa:zlyk] **III,** *at.* Jebislik. *Önümçilikde takyklygy we sazlygy gazanmaly.*

**SAZMYK** [sa:zmyk], *syp.* Çalymtyl tüsse salgymyna, çal gubara meňzeýän. *Şu sazmyk görnüşiň içinde gara salgym bolup aýlanyp ýörenler Ýelli bilen Wüşi keldi* (A. Gowşudow).

**SAZ-SÖHBET** [sa:s-söhvöt], *at.* Aýdym-sazly söhbet, aýdym aýdyp, saz çalmaklyk, sazly-söhbetli meýlis. *Birniçe deň-duş ýigitler Hemra bilen... saz-söhbet edip oturar erdiler* ("Saýatly – Hemra").

**SAZŞYNAS** [sazşyna:s], *at.* Sazyň taryhyny we teoriýasyny öwrenýän hünärmen.

**SAZŞYNASLYK** [sazşyna:slyk], *at.* Sazyň taryhyny we teoriýasyny öwrenýän ylym.

**SEBET** [sevet], *at.* **1**. Içine zat salmak üçin inçe söwüt çybyklaryndan örülýän ululy-kiçili gap. *Bazardan gelýärin, Elimde sebet, Sebediniň içi – pomidor, kelem...* (K. Gurbannepesow). **2**. Ýylgyndan, tutdan bedre şekilli edilip örülen balyk tutulýan enjam.

**SEBÄP** [se:vä:p], *at.* Bir hadysanyň ýüze çykmagyna, döremegine şert döredýän ýagdaý, esas döredýän zat (*näme üçin?* diýen soraga jogap bolýan söz). *Ýangynyň sebäbi. Urşuň turmagynyň sebäbi.*

◊ **Sebäp eýerjeň sözlemi** eýerjeňli goşma sözlemlerde: baş sözlemden aňlanýan pikiriň sebäbini görkezýän eýerjeň sözlem.

**SEBÄPKÄR** [sevä:pkä:r], *at.* Bir zadyň, ýagdaýyň ýüze çykmagyna, döremegine sebäp bolýan (adam ýa-da zat). *Toýuň sebäpkäri.*

**SEBÄPLI** [sevä:pli], *syp., bagl.* **1**. Bir adam ýa-da bir zat bilen bagly, bir zat üçin, zerarly. *Sen sebäpli okuwdan gijä galdym. Ol ýarawsyzlyk sebäpli gelip bilmedi.* **2**. Bir sebäbe görä, esasly. *Okuwdan sebäpli galmak.*

**SEBÄPSIZ** [sevä:psiz], *hal.* Hiç bir sebäbi, delili bolmazdan. *Sebäpsiz çöp başy gymyldamaz* (Nakyl).

**SEBIT** [sevit], *at.* **1**. Belli bir ýer, etrap, töwerek. *Myhman Tejen sebitlerinden gelipdir diýýärler.* **2**. Dünýäniň aýratyn ykdysady-geografik we beýleki aýratynlyklary kybapdaş bolan ýanaşyk ýurtlar topary. *Türkmenistanyň halkara sebit guramalaryna gatnaşmak mümkinçiligi howul-hara syýasy konýunktura arkaly däl-de, bileleşigiň uzak möhletleýin maksada laýyklygy hem-de ykdysady geljegi bilen kesgitlenilýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**SEBITARA** [sevita:ra], *syp.* Düzümine birnäçe sebit girýän, sebitler arasyndaky. *Sebitara maslahat. Sebitara hyzmatdaşlyk forumy.*

**SEBZEBAZ** [sevzeva:z], *at, k.d.* Ýaşyl geýimli. *Tört atly geldiler, bary sebzebaz, Hasalary ýaşyl, aty teblebaz* (Magtymguly).

**SEBZEPOŞ** [sevzepo:ş], *syp., k.d.* Ýaşyl geýnen, gök örtünjeli. *Ol dördüň biri bar, mydam sebzepoş* (Magtymguly).

**SEÇDIRMEK** [seşdirmek], *işl.* Seçmek işini birine etdirmek. *Ol oglunyň galpak toýunda pişme seçdirdi.*

**SEÇEK**,*at.* Bir zadyň gyrasyna ýüpekden, ýüplükden we ş.m. ýörite taýýarlanyp tutulýan, seçelenip duran bezeg. *Torbalaryň seçekleri.*

**SEÇEKLEME,** *iş ady.* Seçeklemek ýagdaýy. *Gyňajy seçekleme ýeňil iş däl.*

**SEÇEKLEMEK**, *işl.* Bir zadyň gyrasyna seçek tutmak, seçek etmek. *Ýaglygy seçeklemek.*

**SEÇEKLEMEKLIK**, *iş ady.* Seçeklemek ýagdaýy.

**SEÇEKLEMEZLIK**, *iş ady.* Bir zadyň gyrasyna seçek tutmazlyk, seçek etmezlik.

**SEÇEKLENMEK**, *işl.* Bir zadyň gyrasyna seçek tutulmak, seçek edilmek. *Seçeklenen ýaglyk.*

**SEÇEKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Seçeklemäge kömekleşmek. *Gyzy ejesine ýaglyk seçekleşdi.***2**. Bile seçeklemek. *Gelinler gyňaçlary seçekleşip otyrlar*.

**SEÇEKLETMEK**, *işl.* Seçeklemek işini başga birine etdirmek; seçeklemäge ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Tutyny seçekletmek.*

**SEÇEKLÄBERMEK** [seçeklä:vermek], *işl.* Seçekläp başlamak; seçeklemek işini dowam etdirmek. *Özüň seçekläbersene!*

**SEÇEKLI**, *syp.* **1**. Seçek tutulan, seçek edilen. *Gyzyl seçekli ýaglyk.* **2**. *at.* Seçekli güllі ýüň ýaglyk, gyňaç. *Alynyna täzeje ýaşyl seçeklini bir çalyp, Altyn gyz gelýärdi* (A. Durdyýew).

**SEÇELEME**, *iş ady.* Seçelemek ýagdaýy.

**SEÇELEMEK**, *işl.* **1**. Yzly-yzyna, birnäçe gezek seçmek. *Ol özüniň getiren sowgadyny dumly-duşa jomartlyk bilen seçeledi.* **2**. Käwagt bir damja ýere gaçmak, seçir-gaçyr ýagmak.

**SEÇELEMEKLIK**,*iş ady.* Seçelemek ýagdaýy.

**SEÇELEMEZLIK,** *iş ady.* Yzly-yzyna seçip goýbermezlik.

**SEÇELENMEK**,*işl.* **1**. Pytrap ýaýramak, pytrap gitmek. *Monjuklar ýagyş damjalary kimin ýylpyldaşyp, howzuň gyrasyna seçelenipdir* (N. Pomma). **2**. Däne-däne bolup durmak, pytrap ýatmak. *Bişiren palawynyň tüwüleri seçelenip dur.*

**SEÇGI** [seçği] **I**, *at.* Çaga ýa-da gelin toýunda seçilýän süýji, pişme we ş.m. zatlar. *Gelniň üstünden seçgi seçdiler.*

**SEÇGI** [seçği] **II**, *at.* **1**. *gepl.d.* Saýlaw. *Bu saparky boljak arçyn seçgisi hakynda her kim öz çenini aýdyp, gürrüň edişýärdiler* (A. Gowşudow). **2**. Ösümlikleriň toplumyndan geljekde köpeltmek üçin gymmatly hojalyk bähbitli alamatlaty boýunça saýlama ösümlikleriň saýlanyp alynmagy, tohum saýlama işiniň esasy.

**SEÇIBERMEK** [seçivermek], *işl.* Seçip başlamak.

**SEÇILMEK**,*işl.* **1**.Her ýere, her ýere düşer ýaly dagynyk sepilmek. *Çowlujagnyň depesinden, Nogulnabat seçilip dur* (K. Gurbannepesow). **2**. Saýladylmak, saýlanyp aýrylmak. *Seçilen goýunlary kökerdip, sagmaga başladylar* (H. Derýaýew). **3**. Saýlanyp alynmak, saýlanmak.

**SEÇIR-GAÇYR** [seçir-ğaçyr], *syp.* Selçeň, her ýerde biri. *Ýagyş damjalary seçir-gaçyr ýere gaçýardy. Sepilen tohumlar seçir-gaçyr çykypdyr.*

**SEÇIŞ,** *iş ady.* Seçmek ýagdaýy.

**SEÇIŞMEK**, *işl.* **1**. Seçmäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup bile seçmek. *Gelin alynýan ýerde aýallar pul, süýji-koke seçişip durdy.*

**SEÇME I**, *iş ady.* Seçmek ýagdaýy.

**SEÇME II**, *at.* Peşeňe salnyp atmak üçin gurşundan guýlan owunjak güllejikler.

**SEÇMEDAN** [seçmeda:n], *at.* **1**. Seçme salnan gaýyş guty, seçme gaby. *Ol hataryny biline guşap, aw pyçagy bilen seçmedanyny hem dakyndy.* **2**.Nili hyrsyz, seçme atylýan aw tüpeňi.

**SEÇMEK,** *işl.* **1**. Her ýere, her ýere düşer ýaly edip dagynyk sepmek. *Goňşy-golamlary ýygnap, dessine Patrak seçdiler ogluň üstüne* (A. Kekilow). **2**. Köp zadyň içinden saýlap-seçip almak, saýlamak. *Men öz hünärimi seçip aldym.* **3**. Süri malyň sagylýanyny, owlak-guzusyny saýlamak, saýlap aýyrmak. *Kimiň eli gaňrakly, kimiň eli pürli ýylgyn çybykly goýunlary seçmäge başladylar* (H. Derýaýew). **4**. *gepl.d.* Saýlaw arkaly saýlamak. **5**. *gepl.d., ser.* **Saçmak**. *Kireňsiz asmanda aşak sallanan Gün, özüniň ýiti şöhlesini seçýärdi* (A. Gowşudow).

**SEÇMEKLIK,** *iş ady.* Seçmek ýagdaýy.

**SEÇMEZLIK,** *iş ady.* Seçmek işi, hereketi ýerine ýetirilmezlik.

**SET** [set], *san, k.d.* Ýüz. *Ýüregim set paradyr, belli tenimde ýara ýok* (Magtymguly).

**SEDA** [seda:], *at, şahyr.* Gulaga eşidilýän ses, ses-üýn. *Gulagyma geldi ýaryň sedasy, Hoş geldiň, Mejnunym, sapa gelip sen!* ("Leýli – Mejnun"). *Eger-eger olaryň birinden hem seda çykmady* (T. Gurbanow).

**SEG** [seğ], *at, k.d.* It. *Donum ýyrtar diýdim, sege ýalbardym, Ötmesin diýip ýaz günleri gaý bile* (Hatam şahyr).

**SEGABY** [seğa:vy], *syp.* Bagananyň bir görnüşi. *Onuň başynda segaby telpegi, aýagynda äňsiz uly ädigi, uzyn uçgurlarynyň gotazy sallanyp duran jalbary bardy* (N. Jumaýew).

**SEGRELMEK** [seğrelmek], *işl.* Bökülmek, bökjeklemek.

**SEGREME** [seğreme], *iş ady.* Segremek ýagdaýy.

**SEGREMEK** [seğremek], *işl.* **1**. Iki öň aýagyny öňe atyp ýöremek, gorgunlamak (at hakynda). *Ürker ýaby taý görende, Bedew segräp läşden geçer* (Aşyky). **2**. Bökmek, bökjeklemek. *Däli Garçar segräp baryp, suwa düşdi, büreler suwa akyp gitdi* ("Kitaby dedem Gorkut").

**SEGREMEKLIK** [seğremeklik], *iş ady.* Segremek ýagdaýy.

**SEGREŞMEK** [seğreşmek], *işl.* Birnäçe at segremek.

**SEGRETMEK** [seğretmek], *işl.* Bökdürmek, bökjekletmek. *Bu ýandan Bähram hunhor atyny segredip, meýdana çykdy* ("Kasym oglan").

**SEGREÝIŞ** [seğreýiş], *iş ady.* Segremek ýagdaýy.

**SEGRÄBERMEK** [seğrä:vermek], *işl.* Segräp ugramak; dowamly segremek.

**SEGSE** [seğse], *at.* Gyrkylygyň sallaryny birikdirýän iki uçly, ortasy tokgaja hem kiçijik agaç bölegi.

**SEGSEN** [seğsen], *san.* 80 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Magtymguly, dostlar, garramaň beter, Ýetmişiň, segseniň arasy ýeter* (Magtymguly).

**SEGSENINJI** [seğseninji], *san.* 80 mukdar sanyndan ýasalan tertip san.

**SEŽDE: 1) sežde etmek** namaz okalýan wagtynda alyny, el-aýaklary, iki dyzy we aýagyň barmaklaryny ýere degrip goýmak. *Metjidiň töweregi sežde etmäge gelen her hili geýimdäki musulmanlardan doly* (B. Seýtäkow). **2)** hudaýa sygnyp, aýat-töwwir etmek, doga okamak.

**SEKDIRME**, **1**. *iş ady.* Sekdirmek ýagdaýy. **2**.*at.* Gaýma we keşde bilen edilýän nagyşlaryň arasyndaky inçe zolaklaryň içine gaýalýan dürli reňkli gaýma. *Ýokarsyna çyraz, iki gapdalyna sekdirme edip, ortasyna-da älem saldy.*

**SEKDIRMEK**, *işl.* Bir ýere aýak basdyrmak, bardyrmak, getirmek (*sekdirmek* sözi sözlem içinde gelen ýagdaýynda soňundan inkärlik aňladýan söz getirilip ulanylýar). – *Eziz Watana duşmanyň toýnagyny sekdirmeli däldiris – diýdi* (A. Gowşudow).

**SEKDIRMEKLIK**, *iş ady.* Sekdirmek ýagdaýy.

**SEKDIRMEZLIK**, *iş ady.* Bir ýere aýak basdyrmazlyk, bardyrmazlyk, getirmezlik. *Duşman aýagyny sekdirmezlik.*

**SEKI**, *at.* Üstünde düşek ýazyp oturmak, ýatmak üçin, köplenç, gumdan galdyrylan belent ýer.

**SEKIL**, *at.* Käbir atyň, owlagyň we ş.m. aýaklarynyň dyzyndan aşakdaky ak ýeri. *Meleguşuň akja sekiliniň yzyndan galýan inçejik tozan indi göge galman, aýagyna çolaşyp barýardy* (B. Soltannyýazow).

◊ **Sekil atmak** saça ak girip başlamak.

**SEKILMEK,** *işl.* Bir ýere aýagyň bilen ýöräp barylmak.

**SEKIŞ,** *iş ady.* Sekmek ýagdaýy.

**SEKIZ**, *san.* 8 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

◊ **Sekiz suw** *taryh.* bir gije-gündizlik, 24 sagatlyk suw nobaty, serkar.

**SEKIZDOGAJYK** [sekizzoğa:jyk], *at.* Palasa salynýan "bossany" nagşynyň we gölçäniň içine salynýan sekiz sany üçburçluk görnüşli owunjak nagyşlaryň ady. *Bu sekizdogajyk hala gowy öwüşgin beripdir.*

**SEKIZGANAT** [sekizğa:nat], *syp.* Tärimi sekiz bölek, sekiz bölek tärimli. *Sekizganat ak öýüň Ýaraşygy sallançak* (Hüwdi).

**SEKIZGAÝŇAK** [sekizğaýňak], *at.* Dörtburç çyzygyň daş-töweregine goçak aýlanyp, şeýle hem "gabsagöl halynyň" gölüniň ortasyna, ýüň jorabyň durkuna salynýan nagyş.

**SEKIZGOÇAK** [sekizğoçok], *at.* Hala, el işlerine salynýan dört sany garşylykly goçak.

**SEKIZINJI,** *san.* 8 mukdar sandan ýasalan tertip san. *Sekizinji gat. Sekizinji jaý.*

**SEKIZKEŞDE**, *at.* Dört ýaşyl, iki ak, iki sary gaýalyp, tahýa, hala, keçä salynýan ýaprak görnüşli nagyş. *Eje, men-ä şu taýyk sekizkeşde salaýjak* (Ý. Mämmediýew).

**SEKIZLEME**, *at.* Her bendi sekiz setirden ybarat bolan şygyr; goşgy düzmegiň sekizleme görnüşi.

**SEKIZLENJI**, *san, gepl.d., ser.* **Sekizinji**. *Meret küle azajyk pikirlendi-de: – Sekizlenji gün bolsa gerek – diýdi* (N. Geldiýew).

**SEKIZLIK**, *at.* **1**. 8 bilen aňladylýan haýsydyr bir zadyň ady. *Awtobusyň ýoluna garap duran adamlaryň biri: – Hanha, sekizlik gelýär – diýip, begenjini daşyna çykardy.* **2**. *syp.* Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Sekizlik galoş.*

**SEKIZÝYLLYK**,*at.* Sekiz ýyllap okuw okalýan doly däl orta mekdep.

**SEKME**, *iş ady.* Sekmek ýagdaýy.

**SEKMEK**, *işl.* Bir ýere öz aýagyň bilen barmak, aýak basmak. *Başda uslyp bilmän, aýagy çekmän, Gezipdi kän wagt bu öýe sekmän* (A. Kekilow). *Ýaşyryp nätjek, Ýazly, özüň habar etmedik bolsaň, gapyňdan sekjegem däldim* (H. Garabaýew).

**SEKMEKLIK**, *iş ady.* Sekmek ýagdaýy.

**SEKMEZLIK**, *iş ady.* Bir ýere barmazlyk.

**SEKUNT** [seku:nt], *at.* Minutyň altmyşdan bir bölegine deň bolan wagt birligi. *Edil şol sekuntda kakasy-da başyny galdyryp, oglunyň ýüzüne seretdi* (A. Durdyýew).

**SELÇEŇ**, *syp., ser.* **Seýrek**. *Sähet bolsa özüniň arryk ýüzündäki selçeň sakgalyny yzly-yzyna sypalaýardy* (A. Gowşudow).

**SELÇEŇLEMEK**, *işl., ser.* **Seýreklemek**. *Akmaýanyň gürrüňi selçeňlände, oňa habar gatdy* (B. Kerbabaýew).

**SELÇEŇLENMEK**, *işl., ser.* **Seýreklenmek**.

**SELÇEŇLEŞMEK**, *işl., ser.* **Seýrekleşmek**. *Garrynyň ýygyrtlaşan gabaklarynyň, selçeňleşen kirpikleriniň arasyndan ýaş damdy* (B. Kerbabaýew).

**SELÇEŇLETMEK**, *işl., ser.* **Seýrekletmek**. *Şondan bäri Pökgen aýdyma hiňlenmesini hem has selçeňletdi* (A. Gowşudow).

**SELÇEŇLIK**, *at, ser.* **Seýreklik**.

**SELÇEŇRÄK**[selçeňirä:k], *syp., ser.* **Seýregräk**. *Selçeňräk gögeren gowaçalar agşamyň şypaly şemalyna başlaryny yraşyp otyrdylar.*

**SELEŇ**, *syp.* Daş-töwreginden şemal, ýel, howa urup duran, açyklyk, giňlik (ýer, meýdan). *Bizi seleň meýdanda hatara goýlan üsti näz-nygmatly stollaryň başyna getirdiler* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Seleň şemal** salkyn, mylaýym şemal. *Deryanyň üstünden gelýän seleň şemal argyn bedenlere dermandy.*

**SELEŇLEME,** *iş ady.* Seleňlemek ýagdaýy.

**SELEŇLEMEK,** *işl.* **1**. Açyk howa, giňişlik ýere çykyp, gezelenç etmek, dem-dynç almak, ýelejiremek, şemallamak. *Goýry kölegede bir salym seleňledik.* **2**.Salgym atmak, howalanyp görünmek.

*Soltan Sanjaryň gümmezi uzakdan seleňläp görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**SELEŇLEMEKLIK,** *iş ady.* Seleňlemek ýagdaýy.

**SELEŇLEMEZLIK,** *iş ady.* Seleňläp görünmezlik.

**SELEŇLEŞMEK,** *işl.* **1**. Birnäçe bolup giň ýere çykyp, gezelenç etmek. **2**. Uly-uly agaçlar uzakdan ýa-da ýokarda howalanyp görnüp durmak. *Ýapraklarynyň reňkleri biraz solgunlanan erik agaçlary ulumsylyk bilen seleňleşýärler* (B. Kerbabaýew).

**SELEŇLEÝIŞ**, *iş ady.* Seleňlemek ýagdaýy.

**SELEŇLIK**, *syp.* Daş-töweregi açyk, seleň, tämiz howaly (ýer, meýdan). *Nähili seleňlik! Adam şeýle seleňlikde ýaşasa, Hiý ömrülla garrarmy!* (G. Kulyýew).

**SELEŇRÄK** [seleňirä:k], *syp.* Daş-töweregi şemallyrak, şabadrak. *Seleňräk ýerde ýaşasaňdyň!*

**SELÄLIK** [selä:lik], *at.* Oraza aýynda agzyny bekleýänleriň dan atmazyndan öň iýýän nahary. *Kempir bilen ikisi gaýym selälik edindiler* ("Görogly"). *Selälige turmak.*

**SELIN**, *at.* Gumda bitýän topbak düýpli, çogdam çykýan, dik baldakly, uzyndan inçe ýaprakly köpýyllyk ösümlik.

**SELINLEME,** *iş ady.* Selinlemek ýagdaýy.

**SELINLEMEK,** *işl.* Teläriň, kümäniň üstüne selin basyp ýapmak, guýynyň örüm bilen diwarynyň arasyna selin dykmak.

**SELINLEMEKLIK**, *iş ady.* Selinlemek ýagdaýy.

**SELINLEŞMEK**, *işl.* Teläriň, kümäniň üstüni selin bilen basyryşmak, selinlemäge kömekleşmek.

**SELINLETMEK**, *işl.* Selinlemegi başga birine etdirmak. *Teläriň üstüni selinletmek.*

**SELINLEÝIŞ** ,*iş ady.* Selinlemek ýagdaýy.

**SELINLI**, *syp.* Selin gögeren ýer. *Selinli, sözenli oýda çekene bakardyk.*

**SELINLIK**, *syp.* Selniň köp gögeren ýeri. *Biz bir selinlik ýerde düşlemeli bolduk.*

**SELJERILMEK**, *işl.* **1**. Bir zat ikinji bir zatdan tapawutlandyrylmak, onuň hiliniň neneňsidigi saýgarylmak. *Her kimiň eden işi seljerilmelidir*. **2**. Analiz edilmek, derňelmek. *Seljerilen eser*.

**SELJERIŞ,** *iş ady.* Seljermek ýagdaýy.

**SELJERME,** *iş ady.* Seljermek ýagdaýy.

**SELJERMEK,** *işl.* **1**. Bir zady ikinji bir zatdan tapawutlandyrmak, onuň hiliniň neneňsidigini saýgarmak. **2**. Analiz etmek, derňemek. *Çeper eseri seljermek.*

**SELJERMEKLIK,** *iş ady.* Seljermek ýagdaýy.

**SELJERMEZLIK,** *iş ady.* Seljerip bilmezlik; seljeriş işini geşirmezlik.

**SELJERTMEK**,*işl.* Seljermek işini başga birine ýerine ýetirtmek.

**SELKI**, *syp.* Özüni oňarmaýan, hasy, ýalta, sölite. *Kemine diýr, selki hatyn, Alyn saçyň çym-ak eder* (Kemine).

**SELKILDEME** [selkilleme], *iş ady.* Selkildemek ýagdaýy.

**SELKILDEMEK** [selkillemek], *işl.* **1**. Iki baka yraň atmak, yranmak, galgamak (esasan, saç, sakgal hakynda). *Ikisiniň hem murtlary şemal degen tozga ýaly selkildedi* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýersiz ýere iki baka alakjamak, selk-selk edip ýörmek. *Gowakdan çykyp selkildäp ýöredi* ("Görogly").

**SELKILDEMEKLIK** [selkillemeklik], *iş ady.* Selkildemek ýagdaýy.

**SELKILDEMEZLIK** [selkillemezlik], *iş ady.* Selkildäp ýörmezlik.

**SELKILDEŞMEK** [selkilleşmek], *işl.* Birnäçe zat ýa-da adam selkildemek. *Buýra saçlary şemala selkildeşip durdy. Olar indi şeýdişip selkildeşip ýörmelimikä?*

**SELKILDETMEK** [selkilletmek], *işl.* **1**. Iki ýana yraň atdyrmak. *Ol saçyny selkildedip gepledi.* **2**. Biderek ýere iki baka alakjatmak, selkildär ýaly etmek, selkildemäge mejbur etmek. *Näme ony beýdip iki-baka selkildedip ýörsüň?*

**SELKILDEÝIŞ** [selkilleýiş], *iş ady.* Selkildemek ýagdaýy.

**SELKILDÄBERMEK** [selkillä:vermek], *işl.* Selkildäp başlamak, selkildäp ugramak.

**SELKILIK,** *at.* Selkä mahsus gylyk-häsiýet, selkiniň bolşy. *Özüňe seret, selkilik etme.*

**SELKIRÄK** [selkirä:k], *syp.* Azda-kände selki. *Onuň selkiräkdigini öňem bilýärdi*.

**SELK-SELK: selk-selk etmek** *ser.***Selkildemek.**

**SELLE,** *at.* Kellä oralýan uzyn in mata, çalma.

**SELLEM: bir sellem** bir azajyk wagt, azajyk pursat, bir salym. *Mündüler, gyzlardan galmadym menem, Aý, näme, dynç günüm, gezjek bir sellem* (K. Gurbannepesow). *Bir sellem sözleşmän gitdiler bular, Derrew ýol aýyrda ýetdiler bular* (Ç. Gurbangylyjow).

**SELME,** *at.* Çal reňkli, iri ýaprakly dik ösýän haşal ot. *Ýazyň ygaly bilen selme örç aldy.*

◊ **Ak selme** selmeler maşgalasyna degişli bolup, baldagynyň we ýapraklarynyň aşak ýüzi unjumak dänejikler bilen örtülen ot. *Ak selmäni bişirip, ondan gutap etdi.* **Gara selme** selmeler maşgalasyna degişli bolup, baldagy selçeň şahaly, ýapraklary ýumurtga görnüşli, gyralary kertik-kertik, baldagyň we ýapraklaryň aşak ýüzi unjumak dänejikler bilen örtülen ot.

**SELPEME,** *iş ady.* Selpemek ýagdaýy.

**SELPEMEK,** *işl.* **1**. Loňkuldap haýaljakdan ylgamak. *Men jybarlap duran ýagşyň aşagynda selpäp barşyma iň soňky maşyn geçýän köprä ýetdim* (T. Gurbanow). **2**. *göç.m.* Bir zadyň ugrunda alakjap ýörmek, kaňkamak.

**SELPEMEKLIK,** *iş ady.* Selpemek ýagdaýy.

**SELPEMEZLIK,** *iş ady.* Selpäp ýörmezlik.

**SELPEŞMEK,** *işl.* Birnäçe bolup bilelikde selpemek. *Düýeler keýerjekleşdi, eýläk-beýläk selpeşdi* (B. Kerbabaýew).

**SELPETMEK,** *işl.* **1.** Haýal loňkuldadyp sürmek. *– Heý, bir gün öň ugraýmanymyz! – diýip, bugrany selpedip ugrady* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.*

Birini selpemäge mejbur etmek. *Öz hususy ýumşy üçin ony dumly-duşa selpedýärdi* (A. Gowşudow).

**SELPEÝIŞ,** *iş ady.* Selpemek ýagdaýy.

**SELPÄBERMEK** [selpä:vermek], *işl.* Selpäp başlamak. *Ýüke werziş düýe burnuny ýellendirip, selpäberdi.*

**SEM: sem bolmak** sesiňi kesmek, sesiňi goýmak. *Şemhal sesi köp çykdy, şondan soň agamyň sesi sem boldy* ("Görogly"). *Bildigiňçe mydam ýagşy sözlegil, Ýagşy söz tapmasaň, otur sem bolup* (Magtymguly). **Sem etmek** sesini kesdirmek, sesini goýdurmak.

**SEMAWAR** [sema:wa:r], *at.* Suw gaýnatmak üçin içinde ot ýakylýan turbaly metal enjam. *Ol yzyna öwrülende, sözen kömrüni gaýgyrman atyp, semawaryň agzyny üfläp duran Hallygarany gördi* (S. Myradow).

**SEMENDER** [semenner], *at, k.d.* Köneden otda ýaşapdyr diýlip hasap edilen bir haýwan. *Çekdigim naladyr semender bile, Degirmen deý baňňyr men, semender deý ataşhor* (Magtymguly). *Semender deý sargaryp, öz-özümden tutaşsam* (Mollanepes).

**SEMENI,** *at.* Telper gabyň içinde üstüne suw sepilip gögerdilen bugdaý döwlüp, un çalnyp, uly gazanda siňňin otda gaýnadylyp bişirilýän bulamak görnüşli duzsuz iýmit. *Gaýnadarlar semeni, Dula dürtüň temeni; Bildim aýralyk eken, Hemme dertden ýamany* (Halk döredijiliginden).

**SEMENT I,** *syp., k.d.* Ýüwrük at. *Başa baglap diwanalyk kemendin, Segredip ýetişdim yşkyň semendin* (Magtymguly).

**SEMENT II,** *at.* Gyzdyrylan daş üwelip ýasalýan gurluşyk materialy.

**SEMINAR** [semina:r], *at.* Islendik tema boýunça okuwçylaryň, diňleýjileriň işjeň gatnaşmagynda geçirilýän toparlaýyn sapaklaryň bir görnüşi.

**SEMIT** [semi:t], *at, ser.* **Semitler**. *Semit diller topary.*

**SEMITLER** [semi:tler], *at.* Alynky Aziýada hem-de Demirgazyk we Gündogar Afrikada ýaşan (wawilonlylar, assiriýalylar, finikiýalylar, ýahudylar we ş.m.) halklar topary, şeýle hem häzir ýaşap ýören araplar, siriýalylar, assiriýalylar, ýewreýler, efiopiýalylar we beýleki halklar.

**SEMIZ,** *syp.* Etli-ganly, semräp ýognan.

**SEMIZLIK,** *at.* Semiz halda bolmaklyk.

**SEMIZRÄK** [semizirä:k], *syp.* Az-owlak semiz, az-kem semiz.

**SEMREME,** *iş ady.* Semremek ýagdaýy. *Süýji keseliň ilkinji alamatlarynyň biri semreme, aşa köp suw içme we agyz guramadyr.*

**SEMREMEK,** *işl.* Gereginden artyk semiz hala gelmek, ýognamak. *Birnäçe gün iýdi-içdi semredi, Öz ýanyndan ony-muny samrady* (A. Salyh).

**SEMREMEKLIK,** *iş ady.* Semremek ýagdaýy. *Aşa semremeklik adamyň süňňüni gowşadýar.*

**SEMREMEZLIK,** *iş ady.* Semremek katdyna ýetmezlik.

**SEMRETMEK,** *işl.* Semremegine mümkinçilik döretmek, semrär ýaly etmek. *Toklulary semretmek.*

**SEMREÝIŞ,** *iş ady.* Semremek ýagdaýy.

**SEMRÄBERMEK** [semrä:vermek], *işl.* Çalt semräp başlamak.

**SEMZEK,** *at, ösüml.d.* Köplenç, ekin aralarynda ýere ýazylyp ösýän ýumşak baldakly, kiçiräk ýaprakllary galyň ot.

**SEN,** Ýaş taýdan özüňden kiçi ýa-da has ýakyn adamlara ýüzlenilende ulanylýan çalyşma (*sen* sözüniň düşümlerde üýtgeýşi: *sen, seniň, saňa, seni, sende, senden). Hawa, Myrat, men aýdyp ýörmesem-de öz ýanymdan seniň gadryňy gaty bilýändirin* (H. Deryaýew).

◊ **Sen, men ýok** duýdansyz, birden. *Gelen adamlar ony gördüler-de, sen, men ýok, üstüne topuldylar.*

**SENA** [sena:], *at.* **1.** Döwlet nyşany hökmünde kabul edilen dabaraly aýdym. *Türkmenistanyň Döwlet Senasy.* **2.** Taryp, wasp. *Düşüpdir yşkyň howasy, Tilimden gitmez senasy, Çyn şähriniň kethudasy, Hup nyşanlar, hoş gal imdi* (Şeýdaýy). **3.** Doga, alkyş. *Turaç tili senada, Ördek tili dogada* (Magtymguly). *Säher turup kyl senany, Hakdan taparsyň penany* (Baýly şahyr).

**SENAGAT** [sena:ğat], *at.* Halk hojalygynyň çig mallary işläp bejerýän pudagy.

**SENAGATÇY** [sena:ğatçy], *at, taryh.* Senagat kärhanasynyň eýesi.

**SENAGATLAŞDYRMAK** [sena:ğatlaşdyrmak], *işl.* Çig mal işläp çykarýan senagaty giňden ýaýbaňlandyrmak, senagat kärhanalaryny artdyrmak.

**SENALY** [sena:ly], *syp.* Dogaly, doga okaýan, şükür edýän, alkyş aýdýan. *Ýerden çykan agaçlar, Tili senaly guşlar* (Magtymguly).

**SENE,** *at.* Haýsydyr bir wakanyň, hadysanyň we ş.m. bolan ýylyny, aýyny, gününi görkezýän senenama wagty. *Oktýabr aýynyň 27-si türkmenler üçin mukaddes senedir.*

**SENEM I**, *at.* But, butparazlaryň ýasama hudaýy. *Sernegun boldy senemler...* (Magtymguly).

**SENEM II,** *at.* **1**. Magşuk, söýgüli ýar. *Badam gabak, alma ýaňak, Bir zyba senem islärin* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

**SENE-MENE,** *at.* Bir zat sebäpli adamlar arasynda biri-biriňe gaty-gaýrym söz aýdyşma, mençelleşme. *Ol oglanlaryň käbiri bilen sene-mene etdi.*

**SENENAMA** [senena:ma], *at.* **1**. Ýörite alnyp barlan taryhy ýazgylar. **2**. Kalendar.

**SENET,** *at.* **1**. El hünäri. **2**. Enjam, gural, şaý. *Ýer sürülýän senetler. Kümüş ussasynyň senetleri. Tara dokamak üçin senetler.* **3**. *göç.m.* Inçe el işi, sungat.

**SENETÇI,** *at.* Bir senet bilen meşgul bolýan adam; el işlerinden hünärli adam.

**SENETÇILIK,** *at.* Bir senet bilen meşgullyk, hünärmentçilik.

**SENETLI,** *syp.* Hünärli, belli bir kärli, eli hünärli. *Şol hatynlaryň her biri, Senetli wezire meňzär* (Kemine).

**SENJAP** [senja:p], *at, k.d.* **1**. *ser.* **Awysiýdik**. **2**. Kül reňkli awysiýdigiň derisi. *Ussa Jepbar işi, senjap*

*jüpbesi, Yspyhanda gurlan ýaýy gözel sen!* (Magtymguly).

**SENTNER** [se:ntner],*at.* 100 kilograma deň bolan agyrlyk ölçeg birligi.

**SENTÝABR**[sentýa:vyr], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň dokuzynjy aýy.

**SENUBER** [senu:ver], *at.* **1**. Dik ösýän owadan agaç. **2**. *göç.m.* Gelşikli uzyn boý, syratly. *Senubere ogşar kaddy-nahaly, Müň tümen ýüzümiň bir jüre haly* ("Kasym oglan").

**SEŇ I**, *at, k.d., ser.* **Saň.** *Yşk elinden meniň halym teň erdi, Gözümde ýaş, synam üzre seň erdi* (Andalyp).

**SEŇIR,** *at.* Ýeriň suwa süsňäp girýän ýeri, burun.

**SEŇKILDEME** [seňkilleme], *iş ady.* Seňkildemek ýagdaýy.

**SEŇKILDEMEK** [seňkillemek], *işl.* Loňk-loňk edip gitmek, seňk-seňk etmek (möjek, it we ş.m. haýwanlaryň hereketi hakynda). *Çerkez hemişeler şu ýerlerden gije geçende, birden onuň öňünden dişlerini syrtardyp, seňkildäp barýan möjek çykardy* (B. Kerbabaýew).

**SEŇKILDEMEKLIK** [seňkillemeklik], *iş ady.* Seňkildemek ýagdaýy.

**SEŇKILDEŞMEK** [seňkilleşmek], *işl.* Köp bolup, birnäçe bolup seňk-seňk edip ýöremek (möjek, it we ş.m. haýwanlaryň hereketi hakynda). *Iki sany it seňkildeşip barýardylar.*

**SEŇKILDETMEK** [seňkilletmek], *işl.* Seňkildili hereket etdirmek, seňkildäp gider ýaly etmek. *Jarçy sesini uzyn sokdurup, ala ýabysyny seňkildedip geçip gitdi* (A. Gowşudow).

**SEŇKILDEÝIŞ** [seňkilleýiş], *iş ady.* Seňkildemek ýagdaýy.

**SEŇKILDÄBERMEK** [seňkillä:vermek], *işl.* Seňkildäp başlamak.

**SEŇKILDI** [seňkilli], *at.* Loňkuldyly ylgaw.

**SEŇŇER,** *at.* **1**. Ýörite garym gazylyp, gumy öňüne üýşürilip edilýän berkitme. *Onuň öňünden hem garym gazyp, seňňer gurapdyrlar* (A. Gowşudow). **2**. Uly, beýik üýşmek. *Bu hataryň töweregine daşlaryna garym çekilen küde-küde ýandaklar dag ýaly seňňer alşyp durdy* (H. Derýaýew).

**SEŇŇERLEME,** *iş ady.* Seňňerlemek ýagdaýy.

**SEŇŇERLEMEK,** *işl.* **1.** Seňňer gurmak, seňňer etmek. *Okoby seňňerlemek.* **2**. Depe ýaly beýik bolmak, üýşmek bolup durmak, beýgelip görünmek. *Olar seňňerläp oturan gum depesiniň üstüne odun üýşürmäge başladylar* (A. Gowşudow).

**SEŇŇERLEMEKLIK**, *iş ady.* Seňňerlemek ýagdaýy.

**SEŇŇERLENMEK**, *işl.* Seňňer atyp beýgelip görünmek, seňňerläp görnüp durmak. *Üsti ýükden seňňerlenip duran maşynyny saklady* (N. Saryhanow).

**SEŇŇERLEŞMEK**, *işl.* Depe ýaly bolşup durmak, beýgelişip görünmek, seňňer atyşmak.

**SEŇŇERLEÝIŞ,** *iş ady.* Seňňerlemek ýagdaýy.

**SEŇRIK,** *at.* **1.** Burnuň iki gaşyň arasyna baryp birleşýän üst ýüzi. **2**. Gum, dag ýerlerinde uzalyp gidýän depe.

◊ **Seňrigine kakmak** gaýtawul bermek, garşy çykmak. **Seňrigini ýygyrmak** nägilelik bildirmek.

**SEŇRIKMEN**, *syp.* Burnunyň üsti, seňrigi beýik, tüňňi, uly. *Seňrikmen adam taýhary gözlemegi teklip etse-de, Çerkeziň çigninden ýapyşan penjäniň eýesi oňa göwnemedi* (B. Kerbabaýew).

**SEŇSE**, *at.* Güýçli zarba, urgy sebäpli huşuny ýitiren, huşsuz, saňsar bolan.

**SEŇSELEDILMEK**, *işl.* Seňse ýagdaýyna ýetirilmek.

**SEŇSELEME**, *iş ady.* Seňselemek ýagdaýy.

**SEŇSELEMEK**, *işl.* Seňse bolmak, huşuňy ýitirmek, özüňden gidip, beýhuş bolmak. *Gözläliň, bir ýerde eşekden ýykylyp, seňseläp ýatan bolmasyn* (A. Gowşudow).

**SEŇSELEMEKLIK**, *iş ady.* Seňselemek ýagdaýy.

**SEŇSELEMEZLIK,** *iş ady.* Huşuňy ýitirmezlik, seňseläp, beýhuş bolup ýatmazlyk.

**SEŇSELETMEK**, *işl.* Urup seňse etmek, seňselär ýaly etmek. *Ýeňsesine degen daş ýaly ýumruk ony seňseletdi* (B. Seýtäkow).

**SEŇSELEÝIŞ**, *iş ady.* Seňselemek ýagdaýy.

**SEP I**, *at.* Bir zadyň biri-birine seplenen, birleşdirilen ýeri. *Demir ýol biraz aşak epilen ýaly ýan berse-de, demirleriniň sepleri açylmandy* (B. Kerbabaýew).

**SEP II**, *at.* Durmuşa çykan gyza ene-atasynyň berýän goşy, geýimleri, bukjasy. *Öýlerine gelip iki-üç ýyl gezer, haly, çuwal barça sepini düzer* (B. Kerbabaýew).

**SEPDIRMEK,** *işl.* Sepmek işini birine etdirmek. *Ders sepdirmek. Tohum sepdirmek. Howla suw sepdirmek.*

**SEPELEME,** *iş ady.* Sepelemek ýagdaýy.

**SEPELEMEK,** *işl.* **1.** Suwy, külke, ownuk zatlary gaýta-gaýta, yzly-yzyna sepişdirmek. **2**. Çala ýagyp başlamak, seçir-gaçyr ýagmak (ýagyş, gar we ş.m. hakynda). *Ýagyş sepeläp başlady.*

**SEPELEMEKLIK,** *iş ady.* Sepelemek ýagdaýy.

**SEPELENMEK,** *işl.* Gaýta-gaýta, yzly-yzyna sepilmek.

**SEPELEŞMEK,** *işl.* **1**. Sepelemäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde sepelemek. *Ýaş oglanlar ýeriň tozanyny ýapyrmak üçin gumagrak ýerlere suw sepeleşip ýördüler.*

**SEPELETMEK,***işl.* Sepelemek işini başga birine etdirmek; sepelemäge mümkinçilik döretmek, ýol bermek. *Oglanlara ekin ekiljek ýerlere ders sepelet.*

**SEPELEÝIŞ**,*iş ady.* Sepelemek ýagdaýy.

**SEPELÄBERMEK** [sepelä:vermek], *işl.* Sepeläp başlamak; çala ýagybermek.

**SEPGIT**, *at.* **1**. Bir ýeriň ikinji bir ýer bilen sepişýän ýeri, birleşýän nokady. **2**. Iki paslyň ýa-da iki belli wagtyň birleşýän döwri. *Häzir tomus bilen güýzüň sepgidi bolmagyna garaman, howa örän maýyldy* (B. Kerbabaýew).

**SEPIL** [sepi:l], *at.* Biriniň ýa-da bir zadyň ugrunda sergezdan, ser-sepil. *Sepil boldum, gezdim ol ýat illeri, Bagrym ýara etdi, batar aýralyk* (Garajaoglan).

**SEPILMEK**, *işl.* **1**. Sepelenip dökülmek. *Daşaryk suw sepildimi?* **2**. Ürgün çäge, gum, kül we ş.m. sepelenip, ýeriň üstünde ýaýradylmak. *Ekin ekiljek ýere öňünden ders sepildi*. **3**. Sepelenip ekilmek. *Kölçä sogan tohumy sepilip suwaryldy.*

**SEPILMEZLIK,** *iş ady.* **1**. Sepelenip dökülmezlik (suw, suwuk zatlar hakynda). **2**. Ýeriň üstüne sepelenmezlik (çäge, kül we ş.m.). **3**. Sepelenip ekilmezlik. *Sepilmedik tohum gögermez* (Nakyl).

**SEPINMEK I**, *işl.* Öz üstüne atyr we ş.m. sepmek. *Atyr sepinmek.*

**SEPINMEK II**, *işl.* Sep edinmek (*ser*. **Sep**). *Çykjak gyz gowy sepinipdir*.

**SEPIRJIK**, *at.* Gapyrganyň iki tarapdan döşe gelip birleşýän ýerinde aşak çykyp duran bölejik.

**SEPIŞ**, *iş ady.* Sepmek ýagdaýy.

**SEPIŞDIRMEK**, *işl.* Sepip çykmak, baryny sepip gutarmak, birnäçe ýere sepmek. *Elindäki tohumy ýeten ýerine sepişdirip çykdy.*

**SEPIŞIK**, *at.* **1**. Iki zadyň seplenen ýeri, sepleşýän ýeri. *Pyçagyň sapy sepişiginden uçupdyr.* **2**. Esasan iki paslyň, wagtyň biriniň gutaryp ikinjisiniň başlanýan döwri, sepgit. *Güýz bilen gyşyň sepişigi.*

**SEPIŞMEK**, *işl.* **1**. Bilelikde sepmek. *Suw sepişip ýörmek!* **2**. Sepmäge kömekleşmek. *Birine tohum sepişmek.* **3**.Biri-biriň üstüne sepmek. *Gyzlar biri-birine suw sepişdiler.* **4**. Bir zat ikinji bir zat bilen birikmek, bitişmek, bir zat ikinji zada seplenmek. **5**. Bir zat ikinji zada utgaşyp gitmek. *Tutan işimiz güýz bilen sepişip gitdi.*

**SEPIT** [sepi:t], *syp, k.d.* Ak. *Ýüzi aý dek, dişi sepit* (Magtymguly). *Syýa bagtym sepit boldy* ("Seýpelmelek – Methaljemal").

**SEPJE,** *at, kön.s.*Ýüp, bagjyk, sapak. *Sepje kimin üzem ýezit başyny (*"Ýusup – Ahmet").

**SEPLEME,** *iş ady.* Seplemek ýagdaýy.

**SEPLEMEK,** *işl.* **1.** Birikdirip berkitmek, birleşdirip tutdurmak. **2**. Biri-birine utgaşmak, sepleşmek, goşulmak. *Ertiri ertire sepläp, galamymyň ujuny küteldýän wagtlarym az däl* ("Edebiýat we sungat").

**SEPLEMEKLIK**, *iş ady.* Seplemek ýagdaýy.

**SEPLEMEZLIK**, *iş ady.* Bir zady beýleki zada birikdirip berkitmezlik.

**SEPLEM-SEPLEM**, *syp.* Birnäçe ýerinden seplenen, sep-sep. *Seplem-seplem ýüp.*

**SEPLENMEK**, *işl.* Bir zat beýleki zada birikdirilip berkidilmek. *Turbalary biri-birine seplemekçi bolanlarynda howanyň çytawunlygyna garaman, olardan ajy der akýardy* (B. Kerbabaýew).

**SEPLEŞDIRMEK**,*işl.* Sepläp çykmak, ählisini seplemek. *Simiň üzülen ýerlerini sepleşdirdim.*

**SEPLEŞMEK,** *işl.* **1.** Biri-biri bilen bitişmek, biri-birini berk tutmak. *Kerpiç daşlar sepleşýärler dessine* (A. Kowusow). **2**. Biri-biriniň yzyndan gelmek, ulaşyp gitmek. *Mekgejöwen atyzlary hem seýrek tokaýlar biri-birine sepleşýärdi* (N. Jumaýew). **3**. Seplemäge kömekleşmek. **4**. Birnäçe bolup bilelikde seplemek. *Ussalar ülňi boýunça kesilen demir böleklerini biri-birine sepleşip otyrdylar*.

**SEPLETMEK**, *işl.* Seplemek işini başga birine etdirmek. *Zergäre zynjyrasynyň üzülen ýerini sepletdi.*

**SEPLEÝIŞ**, *iş ady.* Seplemek ýagdaýy.

**SEPLI I**, *syp.* Aýry-aýry böleklerden biri-birine seplenip ýasalan. *Sepli pil. Sepli pürs.*

**SEPLI II**, *syp.* Şaý-sepi bar bolan, bukjaly; goşly, zatly. *Sebet-sebet üzümler, Çöpli bolýar ýar-ýar; Bizden size gyz gitse, Sepli bolýar ýar-ýar* ("Türkmen halk döredijiligi").

**SEPLI-SERPAÝLY** [sepli-serpa:ýly], *at.* Sepi hem serpaýy bilen. *Gyzyňy sepli-serpaýly ugratsaň, oňa ýetesi näme bar!*

**SEPME**, **1**. *iş ady.* Sepmek ýagdaýy. **2**. Düýbi oturdylyp däl-de, tohumy sepilip ekilen. *Sepme sogan*.

**SEPMEK**, *işl.* Sepeläp dökmek, sepeläp ýaýratmak. *Tohumy çyglap sepdim.*

**SEPMEKLIK**, *iş ady.* Sepmek ýagdaýy.

**SEPMEZLIK**, *iş ady.* Sepmegi amala aşyrmazlyk.

**SEP-SEP**, *syp., ser.* **Seplem-seplem**.

**SEPSIZ I**, *syp.* Biri-birine seplenmedik, sepi bolmadyk. *Sepsiz pil. Sepsiz pürs.*

**SEPSIZ II,** *syp.* Şaý-sepi bolmadyk, şaý-sepsiz, bukjasyz, goş-golamsyz. *Gyz maşgalany sepsiz ugratmak bolmaz.*

**SER,** *at, k.d.* **1**. Baş, kelle. *Turup, Magtymguly gözün açypdyr, Serine ne köýler gelip geçipdir* (Magtymguly). *Serimden geçer men, Gulden geçmenem, Ýarymyň habaryn aldym, gider men* ("Gül – Bilbil"). **2**. Bir zadyň ýokarsy, üsti, başy. *Serinden dumany gitmez, Gorganly daglar görüner* (Halk aýdymyndan).

◊ **Serden geçmek** bir zadyň ugrunda başyňy gurban etmek, janyňdan geçmek. **Seri ýokluk** halynyň teňligi sebäpli, hiç zat bilen gyzyklanmazlyk. *Onuň dünýä bilen seri ýokdy.* **Ser salmak** göz aýlamak, göz gezdirmek, üns bermek, äňetmek, seretmek. *Ol diňşirgenip, daş-töweregindäki janly herekete ser saldy* (A. Gowşudow). **Ser urmak** belli bir wagta, ýaşa we ş.m. golaýlamak, ýeteňkirlemek. *Ol ýaşy segsenine ser uran adamdy.*

**SERB** [se:rp], *at, ser.* **Serbler**.

**SERBAZ** [serva:z], *at, k.d.* Nöker, esger. *Ýetip bardy ki serbaz öň sapydan* (Abdysetdar Kazy).

**SERBER** [server], *at.* Kesekli ýere mala basylanda, malanyň agramyny artdyrmak üçin onuň üstüne basylýan agramlyk ýük. *Mälikguly dagy baran güni azallary, boýuntyryklary, serberleri, boronalary düýä ýükläp, sürüm, ekiş geçiriljek atyza eltdiler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy).

**SERBESER** [serveser], *at, k.d.* Erkin, azat. *Meniň jigim gül öwser, Gül içinde serbeser, Ballar*

*bilen bakaýyn, Süýtden suwa ýakaýyn* (Hüwdi). *Köňlüm, saňa nesihat, gezseň serbeser gezgin* (Mollanepes).

**SERBLER** [se:rpler], *at.* Serbiýanyň esasy ilatyny düzýän günorta slawýan halky.

**SERÇE**, *at.* Çal ýelekli kiçijik guş, çymçyk. *Bu günki serçe düýnki serçä "jik-jik" öwreder* (Nakyl). *Serçeden gorkan dary ekmez* (Nakyl).

◊ **Serçäniň gözünden urmak** göwnejaý iş etmek.

**SERÇEMEN**, *at.* Ot, gül gögerip oturan suwluk ýer, otluk meýdan. *Sapaly, serçemen ýaýla düzüňe, Mydam bahar gelýär, ýaz gelýär seýle* (R. Seýidow).

**SERÇEMENLIK**, *at.* Otluk we güllük meýdan, otluk-suwluk ýer.

**SERÇEŞME**, *at.* Sowuk suwly çeşmäniň çogup çykýan ýeri, çeşmäniň gözbaşy.

**SERDAR** [serda:r], *at.* **1**. *taryh.* Uly bolmadyk topary̆ň serkerdesi, ýolbaşçysy. **2**. Jemgyýetçilik hereketine syýasy taýdan ýolbaşçylyk edýän adam, lider. **3**. Oglana dakylýan at. **4**. Balkan welaýatynda bir etrap; şäher ady.

**SERDARLYK** [serda:rlyk], *at.* Serdar bolmaklyk, serdaryň ýagdaýy, käri. *Serdarlyk, köşegim, bazara baryp alar ýaly kişmiş däldir* (B. Kerbabaýew).

**SERDESSE,** *at, k.d.* Sowuk ýarag hökmünde ulanylýan ujy tommaýly ýogyn taýak.

**SERDIRMEK,** *işl.* Sermek işini birine etdirmek, biriniň sermegini gazanmak. *Ýuwlan geýimleri ýüpüň üstüne serdirmek. Çyg çeken bugdaýy serdirmek.*

**SERE I**, *at.* Başam barmak bilen süýem barmagyň gerlen ýagdaýyndaky aralygy we şol aralyga barabar uzynlyk ölçegi.

◊ **Agsak sere** süýem barmak bilen külbikäniň gerlen ýagdaýyndaky aralygy we şol aralyga barabar uzynlyk ölçegi.

**SERE II**, *at.* Iň gowusy, naýbaşy, aňrybaşy. *Emeliň seresi – güýç* (Nakyl). *Dilber, sen-sen gözelleriň seresi, Melhem kyl, bitmedi synam ýarasy* (Kätibi). **3**. Gyza dakylýan at.

**SEREBOÝY** [serevoýy], *at.* Bir sere uzaklykdaky aralygy, beýikligi, inliligi we galyňlygy aňladýan takmyn ölçeg.

**SEREDIBERMEK** [seredivermek], *işl.* Seredip başlamak.

**SEREDILMEK,** *işl.* **1.** Bir zada ýa-da birine bakylmak, äňedilmek. **2**. Gowy saklanmak, idedilmek. *Bu goýunlara gowy seredilipdir.* **3**. Nämedir bir zada göz-gulak bolmak. **4**. Bir zat barlanyp görülmek. *Çap edilmeli makalalara gaýta-gaýta seredildi.* **5**. Bir zat bejerilmek, düzedilmek, oňarylmak. *Otlanmansoň motora täzeden seredildi.*

**SEREDIŞ,** *iş ady.* Seretmek ýagdaýy. *Onuň gözüni aýyrman seredişini halamadym.*

**SEREDIŞDIRMEK,** *işl.* Bir zada seredip çykmak. *Birdenkä-de bir hata bar ünsüni berip seredişdirdi-de, sesli okady* (B. Kerbabaýew). *Seredişdirip görse, Çalaja demi gelýär* (A. Alamyşow).

**SEREDIŞMEK,** *işl.* **1**. Birnäçe bolup bilelikde seretmek. *Ýoldaşlary oňa uzakdan ogrynça seredişip, hezil edişip gülüşýärler* (Ö. Abdyllaýew). **2**. Seretmäge kömekleşmek. *Men hem elimiň ýetdiginden çagalara seredişerin.*

**SERENJAM** [serenja:m], *at.* Iň gerekli, zerur bolan enjam, gerekli zatlar, goş, şaý. *Goşun serenjamyn, il serişdesin, Padyman ogluna bilmek ýaraşmaz* (Magtymguly)

◊ **Serenjam bermek** tertip-düzgüne salmak, ýerli-ýerinde goýmak, tijemek. *Öýüň içiniň serenjam berlişi tämiz hem düşünjesi bar bolan bir aýalyň sypatyny gözüň öňüne getirýärdi* (A. Gowşudow).

**SERENJAMÇY** [serenja:mçy], *at.* Guramaçy; serediji, göz-gulak bolujy, baştutanlyk ediji.

**SERENJAMLAMAK** [serenja:mlamak], *işl.* **1**. Gerekli enjam, goş we ş.m. bilen üpjün etmek. *Gerekli ýol goşlary bilen serenjamlap ýola saldylar.* **2**. Serenjam bermek, tertip-düzgüne salmak, ýerli-ýerinde goýmak.

**SERENJAMLANMAK** [serenja:mlanmak], *işl.* Serenjam berilmek. *Öý goşlary serenjamlanan gara öýüň ortasynda ot ýanýardy.*

**SERENJAMLY** [serenja:mly], *syp.* **1**. Gerekli enjam, zat, goş bilen üpjün edilen. **2**. Tertip-düzgüne salnan, serenjam berlen. *Ol arassa serenjamly öýdi.*

**SERENJI: serenji çybyk** gulaç dokalanda, dokmanyň inini gerip saklamak üçin dört-dörtden eriş dañlan çybyk.

**SERENT I**, *at.* Dokmada dartynyň öňüni açyp gidýän çybyk.

**SERENT II**, *at.* El degirmenini aýlamak üçin, onuň ýokarky daşynyň bir gyrasyndaky deşige sokulýan, geýdirilýän uzyn agaç (onuň ýokary başyna berkidilen ýüp üç tarapa çekilip daňylýar ) *Serent ýüpi.*

**SEREŇŇAM** [sereňňa:m], *at.* Balyk tutulýan esbaplary (tor, ak) serip guratmak üçin ýönekeý desga.

**SERESAP** [seresa:p], **1**. *syp.* Döremegi mümkin bolan howpy göz öňünde tutýan, ätiýaçly, ägä. *Seresap adam.* **2**. *hal.* Usul bilen, emaý bilen, ýuwaşjadan. *Çaga uklandyr, seresap üwre.*

**SERESAPLY** [seresa:ply], *hal.* Seresaplylygy elden bermän, seresaplylyk bilen, örän ätiýaçly bolup. *Şu inçe zatlara gaty seresaply ýapyşmak gerek* (B. Seýtäkow).

**SERESAPLYK** [seresa:plyk], *at.* Örän ätiýaçlylyk, ägälik, eserdeňlik. *Ol häli-şindi duşman leşgerine seresaplyk bilen seredýärdi* ("Görogly").

**SERESAPLYLYK** [seresa:plylyk], *at.*Seresaply bolmaklyk. *Güýçli gollar maşyny seresaplylyk bilen hereket etdirýärdi.*

**SERESAPSYZ** [seresa:psyz], *syp.* Seresaplylygyny ýitiren, seresapsyzlyk bilen, ätiýaçly bolman. *Işe seresapsyz ýapyşsaň, bir bolgusyzlygyň üstünden barmagyň mümkin.*

**SERESAPSYZLYK** [seresa:psyzlyk], *at.* Seresapsyz bolmaklyk, seresaply dällik. *Özümiň*

*seresapsyzlygym bilen onuň göwnüne degmäýin* (B. Pürliýew).

**SEREŞLEME,** *iş ady.* Sereşlemek ýagdaýy.

**SEREŞLEMEK,** *işl., gepl.d.* Açyp görkezmek, görer ýaly edip goýmak, ýaýradyp goýmak. *Hojamberdi penjesindäkini oňa sereşledi* (R. Gelenow).

**SEREŞLEÝIŞ**, *iş ady.* Sereşlemek ýagdaýy.

**SERETDIRMEK**, *işl.* **1**. Seretmek işini başga birine etdirmek; barlatmak; bejertmek. *Sen hi, lukmana baryp, gözüňe seretdirýärmiň?* (A. Durdyýew).

**SERETME**, *iş ady.* Seretmek ýagdaýy.

**SERETMEK**, *işl.* **1**. Birine ýa-da bir zada garamak, äňetmek, göz dikmek, nazar salmak. *Ol oňa gözlerini mölerdip seretdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Garaşyk etmek. *Ýetim çagalara seretmek.* **3**. Idetmek, bakmak. *Mallara gowy seredip bildiňizmi?* **4**. Göz-gulak bolmak, esewan bolmak. *Bar, nahara seret!* **5**. Barlap görmek. Lukman gözüme seredip, oňa näme bolandygyny anyklady. **6**. Derňemek; seljermek. *Jenaýat işine seretmek. Iş toparynyň agzalary taslama seredip, öz pikirlerini aýtdylar.* **5**. Ýygnagyň, maslahatyň we ş.m. gün tertibine girizmek, garamak. *Ýygnakda köp meselä seretmeli boldy.* **6**. Bir zady bejermek, düzetmek, işlär ýaly etmek. *Maşynyma hemişe bir ussa seredýär.* **7**. *Seretmek* işliginden soň *oturmak, durmak, ýörmek* kömekçi işlikleri gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Seredip oturmak** oturan ýeriňden dowamly seretmek. **Seredip durmak** dik duran ýeriňden dowamly seretmek. **Seredip ýörmek** aýak üstünde gezip ýörkäň daş-töwerekdäki zatlara dowamly seretmek.

**SERETMEKLIK,** *iş ady.* Seretmek ýagdaýy.

**SERETMEZLIK**, *iş ady.* Seretmek işi amal edilmezlik.

**SERGEZDAN** [serğezza:n], *at.* **1**. Hiç hili iş bilen meşgullanman ygyp ýören ykmanda. **2**. *göç.m.* Iki arada alaçsyz galan, näme etjegini bilmän ýören. *Miraplaryň birnäçesi şol iki oýuň arasynda sergezdan galypdylar* (B. Kerbabaýew). **3**. Bir zadyň ugrunda gezmek, ser-sepil bolmak. *Wahyt, menden habar sorsaň, Bir ýar üçin sergezdan men* ("Zöhre–Tahyr").

**SERGEZDANÇYLYK** [serğezza:nçylyk], *at, ser.* **Sergezdanlyk**.*Seýilem bir seýil, sergezdançylyk hem seýil* (Nakyl).

**SERGEZDANLYK** [serğezza:nlyk], *at.* Sergezdan halda bolmaklyk, sergezdanyň ýagdaýy.

**SERGI** [serği], *at.* Köpçülige görkezmek üçin aýratyn jaýda, meýdanda jemlenip goýlan zatlaryň toplumy we olaryň goýlan ýeriniň ady.

◊ **Sergi bolup ýatmak** dargap, pytrap ýatmak, ýaýrap ýatmak. *Sergi bolup ýatyr gulanyň eti, Tilki bu boluşa şatlandy gaty* (A. Salyh).

**SERGIN** [serğin], *syp., ser.* Açyk ýerden ösýän salkyn howaly. *Gündogar tarapdan alabaharyň sergin şemaly öwüsýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**SERGINLEMEK** [serğinlemek], *işl.* Sergin howada salkynlamak.*Tämiz howada serginläp geldim.*

**SERGINLEŞMEK** [serğinleşmek], *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan sergin howa ösmek, salkynlaşmak.*Bular bir uklap oýanýançalar, howa serginleşip, bir tarapdan ýuwaşraga-da şemal ösmäge başlapdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**SERGINLETMEK** [serğinletmek], *işl.* Içeriniň howasyny täzelemek, ýelejiretmek, şemallatmak. *Öýleriň äpişgedir işiklerini açyşdyryp, serginledip goý!*

**SERGINLIK** [serğinlik], *at.* Sergin ýagdaýda bolmaklyk. *Howanyň serginligi adamlaryň janyna hoş ýakýardy.*

**SERGINRÄK** [serğinirä:k], *syp*. Birneme sergin.

**SERGÜZEŞT** [serğüzöşt], *at, k.d.* Başdan geçirilen waka. *Melike sergüzeştin owwaldan ahyrga çenli beýan kylyp bir söz diýdi* ("Melike – Dilaram").

**SERHEŇ**, *at, taryh.* Polkownik derejesi. *Ol zalym han olar bilen hiç barlyşman, ölen-ýiten serbazlarynyň, serheňleriniň, sertipleriniň öjüni Seýdiden çykarjak bolup gazaba münüpdir* (N. Pomma).

**SERHET**, *at.* **1**. Ýanaşyk mülk ýerleriniň, welaýatlaryň ýerleriniň arasyny bölýän çyzyk, çäk. *Ýeriň ileri serhedi ýabyň raýyşyna baryp ýetýärdi* (B. Seýtäkow). **2**. Ýanaşyk döwletler arasyndaky araçäk. *Serhedi goramak. Serhetden geçmek. Serhetden aşmak. Serhet ýakasy ýerler.* **3**. *göç.m.* Her bir zatda mümkin bolan ölçeg, çäk. *Her kim öz serhedini bilse ýagşy.*

**SERHETÇI**, *at.* Döwlet serhedini gorap saklaýan esger, araçäkçi.

**SERHETDEŞ**, *syp.* Ýerleri bir serhetde, bir çyzykda çäkleşýän, araçäkdeş. *Serhetdeş döwletler.*

**SERHETDEŞLIK**, *at.* Bir serhet çyzygy bilen çäkdeşlik, araçäkdeşlik.

**SERHETLEŞMEK,** *işl.* Serhetdeş bolmak.

**SERHOŞ** [serhoş / serho:ş], *syp.* **1**. Içgi içip, keýpi kök bolan, keýpli. *Şerap içip, serhoş bolup segresem, Ganym janyn gyýym-gyýym dograsam* (Magtymguly) **2**. *k.d.* Şadyýan, şat, hoşal. *Hak nazaryn salan bir serhoş ýigit, Ynsan üçin sarp eýleýir aşyny* (Magtymguly). *Ölinçäň gezewer şerhos* (Magtymguly).

**SERHOŞLYK** [serhoşluk / serho:şluk], *at.* Içgiden we ş.m. zatdan keýpi köklük, keýplilik.

**SERHOŞRAK** [serhoşura:k], *syp.* Biraz serhoş.

**SERHOWUZ**, *at.* Töweregi bag-bakjaly uly howuz. *Ýolda Hemra olardan rugsat alyp, serhowuzda suwa düşüp duran wagtda, gözi baglara düşdi* ("Saýatly – Hemra"). *Nejep: "Şu ýerde bir dynjymy alaýyn" diýip, serhowzuň başyna bardy* ("Nejep oglan").

**SERIBERMEK** [serivermek], *işl.* Bir zady guratmak, çalykdyrmak maksady bilen serip başlamak, sermäge girişmek.

**SERILMEK**, *işl.* **1**. Bir zat guradylmak, çalykdyrylmak üçin ýaýradylyp goýulmak. *Kenarda*

*serlen haltalar, torlar, Agaryp görünýär tertipsiz çaşyp* (Ş. Borjakow). **2**. *göç.m.* Läş çaşyp, sergi bolup ýatmak. *Baş gider, göwre läş bolar, Seriler meýdan içinde* ("Görogly"). **3**. Çalam-çaş bolup, ýere ýazylyp ýatmak. *Güýçli degen urgy zerarly özüne erk edip bilmän, serlip gitdi*.

**SERINDI** [serinni], *at.* Nah gatyşykly, tarada dokalýan ýüzi çyzmykly goňras mata. *Serindiden aýal köýnegi tikilýär.*

**SERINMEK**, *işl.* Özüň üçin bir zady guratmak, çalykdyrmak maksady bilen serip goýmak.

**SERIŞ**,*iş ady.* Sermek ýagdaýy.

**SERIŞDE** [seri:şde], *at.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek, amala aşyrmak üçin gerekli gural, enjam, şaý. *Ussanyň ussaçylyk serişdesi bolmasa, ol näme edip bilsin.* **2**. Ýaşaýyş, güzeran üçin gerekli bolan pul, maýa, maddy baýlyklar.

**SERIŞDIRMEK**, *işl.* Birtopar zady guratmak üçin ýazyşdyryp, asyşdyryp goýmak, serip çykmak. *Berdi gurtlary derrew teläriň üstüne serişdirip, soňra ýene-de gurt edişdirmäge oturdy* (H. Derýaýew).

**SERIŞMEK**,*işl.* **1**. Sermäge kömek bermek. *Ol enesine kak serişdi.* **2**. Birnäçe bolup, bilelikde sermek. *Ýap boýuna kir ýuwmaga baran gyzlar kir serişip durdular.*

**SERŽANT** [serža:nt], *at.* Goşunda, polisiýa gullugynda kiçi serkerdeler düzümine dakylýan harby at.

**SERŽANTLYK** [serža:ntlyk], *at.* Seržantyň käri, ýagdaýy. *Harby we syýasy taýýarlygyny ösdürenligi üçin oňa kiçi seržantlyk derejesini berdiler.*

**SERKAR** [serka:r], *at, taryh.* 24 sagatlyk möçberindäki suw tutmak nobaty. *Mirap hem ownuk-uşak harç üçin köpüň zadyndan ýene bir ýarym serkar satdy* (B. Kerbabaýew).

**SERKARBAŞY** [serka:rvaşy], *at, taryh.* Suw tutulyşynyň düzgünine seredýän adam. *Her serkarbaşy aksakgal öz serkarynyň hasaby bilen paýlaşyk meýdanyna geldi* (A.Gowşudow).

**SERKE**, *at.* Iki-üç ýaşly biçilen teke. *Serkäniň boýnundaky jaňyň sesi eşidilýärdi.*

**SERKEÇ**, *at.* Ýola çykylanda käse salmak we onuň döwülmezligi üçin gaýyşdan, keçeden we ş.m. ýörite tikilýän gap, guty. *Teletinden tikilen başga birnäçe gapjagazlar, guty, serkeç ýaly zatlar guşagyndan asylgydy* (A. Gowşudow).

**SERKERDE,** *at.* **1**. Harby ýolbaşçy. *Goşun bölüminiň serkerdesi*. **2**. Goşunda we flotda ýolbaşçylyk ediji düzümdäki adam (leýtenant, polkownik we başgalar).

**SERKERDELIK**, *at.* Serkerdäniň käri, ýagdaýy.

**SERMAGALLAK** [sermağallak], *hal.* Başaşyr, kellesi aşaklygyna, ýokardan aşak. *Kelekbaý sanaja bakan topuldy, ýüzüniň ugruna entäp, sanajyň üstaşyry sermagallak bolup gitdi* (B. Kerbabaýew).

**SERME**, *iş ady.* Sermek ýagdaýy.

**SERMEK**, *işl.* **1**. Guratmak, çalykdyrmak üçin ýazyp, asyp goýmak, ýaýradyp goýmak. *Üç ýüz ýigrimi tonna üzüm tabşyrdyk, indi galanyny hem kişmiş serýäris* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Öldürmek. *Duşmanyň läşini sermek.*

**SERMEKLIK**, *iş ady.* Sermek ýagdaýy.

**SERMELEME**, *iş ady.* Sermelemek ýagdaýy.

**SERMELEMEK**, *işl.* Görüp durmaýan zadyňy eliň bilen gaýta-gaýta sermäp tapjak bolmak. *Azajyk arkaýynlanan Garly aýagynyň sydyrylan ýerini sermeleýärdi* (A. Gowşudow).

**SERMELEMEKLIK**, *iş ady.* Sermelemek ýagdaýy.

**SERMELETMEK,** *işl.* Bir zady birine eli bilen agtartmak, gözletmek, barlatmak.

**SERMELEÝIŞ**, *iş ady.* Sermelemek ýagdaýy.

**SERMEME,** *iş ady.* Sermemek ýagdaýy.

**SERMEMEK,** *işl.* Bir zady tapjak bolup eliň bilen gözlemek, agtarmak.

**SERMEMEKLIK,** *iş ady.* Sermemek ýagdaýy.

**SERMENÇE,** *at.* Nawyň ýük salynýan bölüminiň içine suw gitmezligi üçin 20-25 santimetr beýiklikde dört tarapyndan goýulýan agaç.

**SERMENEKLEMEK**, *işl., ser.* **Sermelemek**.

**SERMENILMEK**, *işl.* Bir zady tapjak bolup sermelip gözlenmek, agtarylmak. *Şol kitap diýibem az sermenilmedigini bilýänsiň-le.*

**SERMENIŞMEK,** *işl.* Köp bolup sermenmek.

**SERMENMEK,** *işl.* Özüň üçin bir zat gözlemek, agtarmak. *Bu ýerde munuň ýaly täze zatlary tapjak bolsaň, baý sermenersiň-ä!* (N. Baýramow).

**SERMEST**, *syp., k.d.* Başy humarly, keýpli. *Sermest gyzyň baryp gujagyna doldy* ("Görogly"). – *Şaapbas, sen özüň sermest, Biz dek kiçi gözge ilmez* ("Şasenem – Garyp").

**SERMEŞDIRMEK**, *işl.* Tapjak bolup eliň bilen gözleşdirmek, agtaryşdyrmak, köp gezek sermemek. *Iki ýanyndaky düşegi sermeşdirdi: sagynda-da, solunda-da hiç kim ýokdy* ("Edebiýat we sungat").

**SERMEZLIK**, Sermek işini etmezlik.

**SERPAÝ** [serpa:ý], *at.* Sylag, hormat üçin berilýän don, halat, geýim. *Eý Banu kenizim, köp-köp ýagşy şahana lybaslardan, serpaýlardan alyp gelgin!* ("Saýatly – Hemra").

◊ **Serpaý ýapmak (etmek)** hormatlap don, halat we ş.m. zat sylag bermek, serpaýlamak. *Söýünjiläp baran ýigide... serpaý ýapdy* ("Görogly"). *Men size bahasyz serpaý ederin* (G. Ezizow).

**SERPAÝLABERMEK** [serpa:ýla:vermek], *işl.* Serpaý ýapyp ugramak. *Ol kimi gyňaç, kimi köýneklik bilen serpaýlaberdi.*

**SERPAÝLAMA** [serpa:ýlama], *iş ady.* Serpaýlamak ýagdaýy.

**SERPAÝLAMAK** [serpa:ýlamak], *işl.* Hormatlap don, halat, serpaý we ş.m. zat sylag bermek, serpaý ýapmak.

**SERPAÝLAMAKLYK** [serpa:ýlamaklyk], *iş ady.* Serpaýlamak ýagdaýy.

**SERPAÝLAMAZLYK** [serpa:ýlamazlyk], *iş ady.* Serpaý ýapmazlyk.

**SERPAÝLANMAK** [serpa:ýlanmak], *işl.* Serpaý alynmak, hormatlap halat, don ýapylmak.

**SERPAÝLATMAK** [serpa:ýlatmak], *işl.* Serpaý ýapdyrmak.

**SERPAÝLAÝYŞ** [serpa:ýlaýyş], *iş ady.* Serpaýlamak ýagdaýy.

**SERPDIRMEK** [seripdirmek],*işl.* **1.**Hüjümi yza gaýtartmak. **2.** Serpmek işini başga birine etdirmek.

**SERPIBERMEK** [serpivermek], *işl.* Serpip başlamak; serpmegi dowam etdirmek.

**SERPIK,** *at.* Gara öýüň tüýnüginiň üstüne ýapylýan keçe, serpme. *Oguldursun baryp öýüň serpigini çekdi* (A. Durdyýew).

◊ **Serpigi çekilmek** ömri gutarmak, ölmek, aradan çykmak.

**SERPIKBAG** [serpikba:ğ], *at.* Öýüň serpigini açyp-ýapmak üçin bir ujy serpige berkidilen uzyn bag, ýüp.

**SERPIKDIRMEK,** *işl.* Yza öwürmek, yzyna gaýtarmak, yza tesdirmek.

**SERPIKME,** *iş ady.* Serpikmek ýagdaýy.

**SERPIKMEK,** *işl.* Yza öwrülmek, yza çekilmek, yza tesmek. *Olar bada-bat serpikseler-de, peýda bolmady* (B. Pürliýew).

**SERPIKMEKLIK**, *iş ady.* Serpikmek ýagdaýy.

**SERPIKMEZLIK**, *iş ady.* Yza öwrülmezlik, yza çekilmezlik, yza tesmezlik.

**SERPILIBERMEK** [serpilivermek], *işl.* Serpilip başlamak.

**SERPILMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň bir çeti, bir tarapy, gapdaly bir tarapa açylmak, eplenmek. *Çadyryň serpilen gözeneginden mylaýym şemal gelýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýaýrap, pytrap gitmek, syçrap gitmek (külke zat, suw we ş.m. hakynda).

**SERPINJE**,*at.* Düýäniň howudynyň üstünden bezeg üçin atylýan mata.

**SERPIŞ**, *iş ady.* Serpmek ýagdaýy.

**SERPIŞDIRMEK**, **1**. Serpip çykmak (*serpmek* isliginiň **1**-nji, **2**-nji manylary boýunça).Bedreleriň düýbündäki suwy ýere serpişdirip goýber. Penjiräniň tutularyny gapdala serpişdiräý.

**SERPIŞMEK,** *işl.* **1**. Serpmäge kömek etmek. **2**. Bilelikde serpmek.

**SERPME** [seripme], **1**. *iş ady.* Serpmek ýagdaýy. **2**. *syp.* Dik ýaka däl-de, yzlygyna serpilýän (ýaka hakynda). *Serpme ýaka köýnek.* **3**. Bugdaý desselerini, saman we ş.m. daşamak üçin ýörite ýasalýan araba (onuň nowasyna derek köp desse ýerleşer ýaly iki gapdalyna we öňüne, yzyna lakaşadan beýik germew edilýär). *Dört tigriň üstünde duran nowa-lakaşa özi agdarylyp, öz ýüküni özi döküär.* **4**. *ser.* **Serpik**.

◊ **Serpmeden gaýdan ýaly bolmak** gaty ýokardan ýykylan ýaly bolmak, allaniçigsi bolmak.

**SERPMEK** [seripmek], *işl.* **1**. Bat bilen sowrup dökmek (suwuk zat hakynda).*Sowan çaýyn ýere serpip, Täzesinden käsä guýup, Özi duýman elin çarpyp, Alkymyna dyzap barýar* (K. Gurbannepesow). **2**. Bir zadyň üstüni, öňüni tutup duran zady aýyrmak. *Ol penjiräniň tutusyny serpdi. Ýaş gelin başyndaky kürtesiniň syýlaryny egninden üstaşyr yza serpip, tamdyra çörek ýapmaga durdy.* **3**.Yzyna gitmek, yza tesmek, serpikmek. *Yza serpmek.*

**SERPMEKLIK** [seripmeklik], *iş ady.* Serpmek ýagdaýy.

**SERPMEZLIK** [seripmezlik], *iş ady.* Aýryp goýbermezlik; döküp goýbermezlik.

**SERRAÇ** [serra:ç], *at, k.d.* Eýerçi, eýer ussasy.

**SERRELIBERMEK** [serrelivermek], *işl.* Diň arkan ýykylybermek, çalam-çaş bolup ýatybermek.

**SERRELIŞ,** *iş ady.* Serrelmek ýagdaýy.

**SERRELIŞMEK,** *işl.* Birnäçe bolup bile serrelmek. *Serrelişip ýatmaň-da, işiňiz bilen boluň! Çommaltma degen towuklar serrelişip ýatyrdylar.*

**SERRELME,** *iş ady.* Serrelmek ýagdaýy.

**SERRELMEK,** *işl.* **1**. Diň arkan ýykylyp, çalam-çaş bolup ýatmak, agdarylyp gitmek. *Onuň görejiniň öňünde mähnet bir göwre serrelip ýatyrdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Arkan düşüp, ýazylyp, ýaýrap ýatmak.

**SERRELMEKLIK,** *iş ady.* Serrelmek ýagdaýy.

**SERRELTMEK,** *işl.* Ok atyp, daşlap ýa-da bir zat bilen urup ýykmak. *Gyltyzrak degen çarşak alakany serreltdi* (N. Esenmyradow). *Ýaýlap guşy serreltmek.*

**SERSAGLYK** [sersağlyk], *at.* Içgili dällik, serhoş dällik.

**SERSEPIL** [sersepi:l] **I**, *at, ösüml.d.* Sersepiller maşgalasyna degişli, boýy 80-150 sm. ýetýän, keseligine güýçli ösen baldakly, teňňe görnüşli ýaprakly, köp ýyllyk otjumak ösümlik (gülleri tutuk ýaşyl-sary reňkli, miwesi alty çigitli, gyzylja, ownuk, togalajyk bolýar, özi-de tohumyndan köpelýär).

**SERSEPIL** [sersepi:l] **II,** *syp.* Biriniň ýa-da bir zadyň ugrunda, gözleginde alakjap ýören, sergezdan. *Sen ýaşlyk çagyňy salýarmyň ýada? Onlap oglan sersepildi yzyňda* (B. Hudaýnazarow).

◊ **Sersepil bolmak** bir zadyň gözleginde köp gezmek, gözläp entemek. *Ine, bu meniň gije-gündiz ýatman, yzynda sersepil bolup ýören eserim* (N. Saryhanow).

**SERSMEK** [serismek], *işl., gepl.d.* Gopmak, ýarylan ýaly bolmak, sarsmak (ýürek hakynda). *Top sesleri ilki çykanda meniň ýüregim sersen bolsa-da, soň bütin duýgym ol ses bilen öwrenişdi* (A. Durdyýew).

**SERTIFIKAT** [sertifika:t], *at.* **1.** Haýsydyr bir gymmat bahaly kagyzlara eýeçilik hukugyny tassyklaýan resminama (paýnamalar we ş.m.). **2.** Ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan berilýän hem-de harydyň hilini, agramyny, gelip çykyşyny we beýleki alamatlaryny tassyklaýan resminama. **3.** Dürli ugurly gysga möhletli okuwlary tamamlaýan diňleýjilere berilýän şahadatnama.

◊ **Hil sertifikaty** harydyň hilini tassyklaýan resminama. *Ýaponiýaly myhmanlar Türkmenistanyň Prezidentini bu hormatly sylag bilen gutlap, türkmen Liderine Federasiýanyň prezidenti Sasagawa Takaşiniň goly bilen tassyklanan degişli sertifikaty we ýörite kimonony gowşurdylar* ("Türkmen dünýäsi")

**SERTIL** [serti:l], *syp.* Özüniň egin-eşik geýşine örän ünsli garaýan, örän sypaýy, gelşikli geýinýän. *Ol gaty sertil zenandy.*

**SERTIP** [serti:p], *at, kön.s., harb.* General-maýor. *Zalym han olar bilen barlyşman, ölen-ýiten serbazlarynyň, serheňleriniň, sertipleriniň öjüni Seýdiden çykarjak bolup gazaba münüpdir* (N. Pomma).

**SERWER** [serwör], *at.* **1**. *k.d.* Baştutan, ýolbaşçy. *Mahbuplar serweri yklym hanym sen, Täji tagtym, zernigärim, hoş indi* (Şabende). **2**. Düýä taýlanyp urlan ýüküň üstünden goýulýan, urulýan goşmaça ýük. *Harwaryny göteren, serwerinem göterer* (Nakyl).

**SERWI** [serwü], *at.* Günorta ýurtlarda ösýän, hemişe gök öwsüp oturan syrdam agaç. *Serwi daragt üstünde bilbiller saýraşanda, Periler baga girip, gözeller oýnaşanda...* (Kemine).

**SES,** *at.* **1**. Yrgyldylaryň täsiri sebäpli döreýän we gulaga eşidilýän owaz. *At aýagynyň sesi.* **2**. *fiz.* Howanyň ýa-da başga tebigy gurşawyň yrgyldyly hereketi. *Sesiň tizligi.* **3**. *sazç.* Galmagaldan tapawutlanýan belli bir belentlikdäki äheň. *Sazyň sesi.* **4**. *dil b.* Geplenende, gygyrylanda, aýdym aýdylanda gep agzalarynyň hereketi netijesinde emele gelýän owaz. *Dymyk ses. Açyk ses.* **5**. *göç.m.* Saýlawlarda ýa-da bir mesele çözülende öz oý-pikiriňi beýan edýän hukugyňy aňladyş. *Çözüji ses. Köp ses almak. Deň ses almak. Az ses almak.*

◊ **Ses bermek 1)** çagyrylanyňda öz bardygyňy, eşidýändigiňi sesli bildirmek, seslenmek. **2)** geçirilýän saýlawlarda öz razylygyňy bildirip, raýatlyk hukugyňy berjaý etmek. **Ses etmek** ýas ýerinde sesli aglamak. **Sese goýmak** ýygnakda we ş.m. ýerlerde meseläni köpçülige atyp, gol galdyrtmak, el galdyrtmak. **Ses göwrümi** saz guralynyň ýa-da aýdymçynyň iň pes sesinden has belent sesine çenli bolan aralygy aňladýan saz adalgasy, dýapazon. **Sesine suw sepilen ýaly bolmak** sessiz-üýnsüz dymmak, ümsüm bolmak, geplemesini bes etmek. *Birden märekäniň sesine suw sepilen ýaly boldy* (B. Soltannyýazow). **Sesiňe bat bermek** gaharly, haýbatly bolup geplemek, gürlemek. **Sesiňi çykarmazlyk** geplemän durmak, geplemän oturmak, jyňkyňy çykarmazlyk. *Ol märekäniň bir çetinde sesini çykarman otyrdy.* **Sesiňi gapmak (kesmek)** geplemäňi goýmak, sem bolmak. **Sesiňi sandyratmak (titretmek)** gorkudan ýa-da gahardan ýaňa birsydyrgyn gepläp bilmezlik, sesiň bozulmak. **Ses ýetim ýer** uzak bolmadyk aralyk, ses eşidiler ýaly aralyk.

**SESLENDIRMEK** |seslennirmek], *işl.* Ses döretmek. *Som kümşe beslenen ýaş gelin şaý-sepleriniň düwmelerini seslendirip, ýuwaşja ýöräp, daşaryk çykdy.*

**SESLENIBERMEK** [seslenivermek], *işl.* **1**. Seslenip ugramak (*seslenmek* işliginiň **1**-nji, **2**-nji manylary boýunça). **2**. *göç.m.* Gazetde we ş.m. çykan teklip, çagyryş hakynda öz pikiriňi beýan edip çykyş edip ugramak

**SESLENIŞ,** *iş ady.* Seslenmek ýagdaýy.

**SESLENIŞMEK,***işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden seslenmek.

**SESLENME, 1**. *iş ady.* Seslenmek ýagdaýy. **2**. *göç.m.* Gazetde we ş.m. çykan teklip, çagyryş hakynda öz pikiriň beýan edilip ýazylan çykyş. *Seslenme ýazan ýoldaşlar welin, sypjyklyk etjek bolýarlar* ("Edebiýat we sungat").

**SESLENMEK**, *işl.* **1**. Ses çykarmak. *Demir esbaplar biri-birlerine degip seslenýärdi* (B. Seýtäkow). **2**. Eşidiler ýaly edip geplemek, bardygyňy aýtmak, ses bermek. *Gür jeňňelligiň içinden: "Nirede bolsaň, seslen" diýen sesler eşidildi.* **3**. *göç.m.* Gazetde we ş.m. çykan teklip, çagyryş hakynda öz pikiriňi beýan edip çykyş etmek. *Çagyryşa seslenmek.*

**SESLENMEKLIK**, *iş ady.* Seslenmek ýagdaýy.

**SESLENMEZLIK**, *iş ady.* **1**. Ses çykarmazlyk. **2**. Sesiňi çykarmazlyk, ses bermezlik. **3**. Seslenme arkaly pikiriňi beýan etmezlik.

**SESLI, 1**.*syp.* Seredeniňde hereket edýän şekiller bilen bir hatarda ses hem eşidilýän, gahrymanlary öz sesi bilen gepleýän, her hili ses çykýan. *Sesli film.* **2**.*hal.* Ýanyndakylar eşider ýaly ses bilen, daşyňdan. *Goşgyny sesli okamak.* **3**.*syp.* Gowy ses çykarýan, owazly. *Sesli dutar.*

**SESLIRÄK** [seslirä:k], *syp.* Adatdakydan birneme sesi güýçlüräk, gatyrak . *Sesliräk okasana.*

**SES-SEDA** [ses-seda:], *at, ser.* **Ses-üýn**. *Saz çalnyp gutarylýança, hiç kimden ses-seda çykmaýardy* ("Edebiýat we sungat").

**SES-SELLEM**, *at, ser.* **Ses-üýn**. *Ondan ses-sellem bolmady.*

**SES-SEZA** [ses-seza:], *at, ser.* Ses-üýn. *Näme üçindir olaryň hiç birinden ses-seza çykmady* (N. Saryhanow).

**SESSIÝA** [se:ssiýa], *at.* **1**. Dürli wekilçilikli guramalaryň, edaralaryň döwürleýin mejlisi, şeýle hem şol mejlisiň geçýän döwri. *Birleşen Milletler Guramasynyň 65-nji sessiýasy.* **2**. Ýokary we ýörite orta okuw jaýlarynda döwürleýin geçirilýän synaglar, şonuň ýaly-da şeýle synaglaryň geçýän döwri. *Tomusky sessiýa.*

**SESSIZ**, *syp.* **1**. Geplemän, üm bilen. *Olar biri-birine golaýdan garap, sessiz sözleşerler* (G. Kulyýew). **2**. Sesi çala çykýan, ýuwaş sesli. *Sessiz tüpeň.* **3**. Seredeniňde hereket edýän şekiller görünýän, hiç hili ses çykmaýan. *Sessiz film.* **4**. *hal.* Ýanyndakylar eşitmez ýaly, içiňden. *Çagalar, hiç kime päsgel bermez ýaly, sessiz okamany öwreniň.* **5**. Ýuwaş. *Mugallym okuwçylara: "Sessiz oturyň" diýdi.* **6**. *göç.m.* Ýuwaş häsiýetli, il bilen işi ýok, hudaý diýen. *Olar bir sessiz adamlardyr, adama başarsa ýagşylyk ederler, ýamanlyk çykmaz.*

**SESSIZ-ÜÝNSÜZ**, *syp.* **1**. Sesini çykarman, geplemän. *Sessiz-üýnsüz oturmak.* **2**.Ýuwaşlyk bilen, bildirmän. *Ol sessiz-üýnsüz daş çykdy.*

**SES-ÜÝN**, *at.* Ses, ses-seda, ses-seza, ses-sellem.

◊ **Ses-üýnüni çykarmazlyk** kelam agyz söz aýtmazlyk, hiç zat aýtmazlyk, diýmezlik. *Hallygara*

*ses-üýnüni çykarman, birden turdy-da gidiberdi* (S. Myradow).

**SESÝETIM,** *at.* Ses ýeter ýaly aralyk, uzak bolmadyk ýer. *Indi geçelgä ýetmäge sesýetim ýol galdy* (A. Gowşudow).

**SET I**, *san, k.d.* Ýüz. *Leýlim gelip gitdi, ýel bolup ösüp, Bagrymny duzladym, set para kesip* ("Leýli – Mejnun").

**SET II**, *at, k.d.* Adat, däp, dessur. *Ýamandan ýagşy set bolmaz* (Magtymguly). *Sebäbi şol adat Ahalda resmi edilipdi, set bolupdy* (A. Gowşudow).

**SET III**, *at.* Ýamanlyk, erbetlik. *Ýagşydan at galar, ýamandan – set* (Nakyl). *Är-ärden görelde alar, Päli ýamandan set galar, Öýi meýlishana döner, Hatyn biygtyýar bolsa* (Talyby).

**SETANDA-SEÝRANDA** [seta:nna-seýra:nna], *hal.* Käwagt, käýarym, kämahal, negada bir. *Myrat kel ýanyna setanda-seýranda iş üçin gelýän Berdi aganyň derrew habaryny almaga başlady* (A. Durdyýew).

**SETIK: setik basmak** çaga çigreklände ýa-da oňa suwly ýara çykanda, gözi gamçawlanda onuň depesine çilim ýaly düýrlenip, ujy otlanan gök mata bölegini basmak.

**SETIN** [seti:n], *at.* **1**. Syk dokalan ýüzi ýylmanak nah mata. *Bir top setin*. **2**. Setin matadan tikilen. *Setin köýnek.*

**SETIR I**, *at.* **1**.Tertipli düzülen hatar (*ser.* **Hatar** **1**). *Birinji setirde otur*. **2**. Sözleriň, harplaryň ýa-da başga belgileriň (mysal üçin, nota belgileriniň) bir çyzygyň ugrunda ýazylan hatary. *Kyrk müň setir goşgy döreden bolsam, Her harpyň içinde sensiň, sensiň, sensiň* (K. Gurbannepesow).

**SETIR II: setir eýlemek** örtmek, üstüni ýapmak, ýaşyrmak, gizlemek. *Setir eýle aýbym, Setdar* (Magtymguly).

**SETIRBAŞY** [setirvaşy], *at.* Setirdäki ýazgynyň harplary içginräk ýazylyp başlanýan täze setir, abzas.

**SETIRME-SETIR,** *at.* Her bir setire aýratynlykda, setirleriň her birine. *Ol oňa diňe setirme-setir göz gezdirdi, dodaklaryny müňküldetdi* (B. Kerbabaýew).

**SETIR-SETIR**, *hal.* Setirler boýunça, setir görnüşinde; setir yzyna setir, köp sanly setir. *Setir-setir ýazmak. Setir-setir oturmak. Setir-setir ekmek. Setir-setir goşgy.*

**SEÝIK**, *at.* El ýa-da aýak süňki döwlende töweregine gamyş ýa-da ýasy tagtajyk goýlup daňylýan daňy.

◊ **Seýik tutmak** döwlen süňküň seýiklenen ýeri berkemek, bitmek.

**SEÝIKLEME**, *iş ady.* Seýiklemek ýagdaýy.

**SEÝIKLEMEK**, *işl.* Eliň ýa-da aýagyň döwlen süňküni tutdurmak üçin gamyş ýa-da tagtajyk goýup saramak.

**SEÝIKLEMEKLIK**, *iş ady.* Seýiklemek ýagdaýy.

**SEÝIKLENMEK**, *işl.* Eliň ýa-da aýagyň döwlen süňki teniň daşyndan gamyş ýa-da tagtajyk goýlup saralmak. *Ol seýiklenen aýagyny gymyldatman ýatyrdy.*

**SEÝIKLEŞMEK,** *işl.* **1**. Seýiklemäge kömek etmek. *Men onuň elini seýikleşdim.* **2**. Bilelikde seýiklemek.

**SEÝIKLETMEK**, *işl.* Seýiklemek işini birine etdirmek. *– Men elimi seýikletmäge gitjek – diýip, ak eşegini münüp, ussa Haýtyňka ugrady* (H. Derýaýew).

**SEÝIKLEÝIŞ**, *iş ady.* Seýiklemek ýagdaýy.

**SEÝIKLÄBERMEK** [seýiklä:vermek], *işl.* Seýiklemäge başlamak, seýikläp ugramak.

**SEÝIL**, *at.* Gezelenç, gezim, seýran. *Seýil edeliň bu jahana, Jahanda näler görüner* (Magtymguly). *Ak jeren, seýliňe düzlerim gurban, Gara gözleriňe gözlerim gurban* (M. Seýidow). *Seýil edemde bu jahanyň illerin* (G. Ezizow).

◊ **Seýil bagy** *ser.* **Seýilgäh**.*Şäheriň köçeleri, seýil baglary baýramçylyk görnüşinde bezelipdir* ("Edebiýat we sungat").

**SEÝILGÄH** [seýilğä:h], *at.* Gezelenç edilýän ýer, dynç alynýan, seýil edilýän bagly, gülli-gülälekli ýer. *Dostum, biziň illerimiziň, Merdanadyr ýigitleri, Seýilgähli daglarymyzda, Hoş geçirýäs wagtlary* (Baýram şahyr).

**SEÝIS**, *at.* **1**. Atyň ýagdaýyny oňat bilip, ony çapyşyga, uzak ýola taýýarlaýan adam, atşynas. *Ol atşynas, uly seýis, olaryň hünärlerini öwrenmek gerek* ("Görogly"). *Ýyndam atlary ýetişdirmek ugrunda başga-da çorbasyny sowadýan seýisler az däl* (A. Gowşudow). **2**. Oglana dakylýan at.

**SEÝISÇILIK**, *at, ser.* **Seýislik**. *Meniň ökde kärim seýisçilik* ("Görogly").

**SEÝISHANA** [seýisha:na], *at.* Seýislenýän atlaryň bolýan jaýy. *Onuň at ýerinde aty, seýishana ýerinde seýishanasy bardy* (B. Seýtäkow).

**SEÝISLEME**, *iş ady.* Seýislemek ýagdaýy.

**SEÝISLEMEK**, *işl.* **1**. Atyň abyny-tabyny bilip, ony çapyşyga, uzak ýola taýýarlamak. **2**. *gepl.d.* Iýjek-içjek zatlaryňy seljerip, saglygyňy berkitmek, özüňi duýşuňy gowulandyrmak. *Bagşylar özlerini seýisläp otyrdylar* ("Edebiýat we sungat").

**SEÝISLEMEKLIK**, *iş ady.* Seýislemek ýagdaýy.

**SEÝISLEMEZLIK**, *iş ady.* Seýislemek işini amal etmezlik.

**SEÝISLENMEK**, *işl.* Seýislemek işi amal edilmek. *Atlar seýislenýär.*

**SEÝISLEŞMEK**, *işl.* **1**. Seýislemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde seýislemek.

**SEÝISLETMEK**, *işl.* Seýislemek işini başga birine etdirmek,seýislemäge mümkinçilik bermek, seýislemegini gazanmak.

**SEÝISLEÝIŞ,** *iş ady.* Seýislemek ýagadaýy.

**SEÝISLÄBERMEK** [seýislä:vermek], *işl.* **1**. Atlary seýisläp başlamak, bir ýanyndan seýisläp ugramak. *Her kim düýe uruşdyrjak bolsa, düýesini, at çapyşdyrjak bolsa, atyny seýisläbersin-le, haw!* (H. Derýaýew). **2**. Iýjek-içjek zatlaryňy seljerip, saglygyňy berkidip başlamak, özüňi duýşuňy

gowulandyrmaga girişmek. *Indi özüňizi seýisläberiň, ýaryş ýakyn günlerde başlanar.*

**SEÝISLIK**, *at.* Seýsiň käri, ýagdaýy. *Atlara seýislik edýän Aman poşşy garşylyk görkezse-de bolmady* (A. Gowşudow).

**SEÝKIN: seýkin basmak** aýaklaryny gezek-gezegine ýere basyp, sazlaşykly hem salyhatly ýöremek. *Seýkin basyp, sallanyp, beýewana çykar sen* (Baýly şahyr).

**SEÝR: seýr etmek** gezmek, gezelenç etmek, seýran etmek, seýil etmek. *Seýr eden dokuz pelek asmany sen-sen, eý peri* (Magtymguly).

**SEÝRAN** [seýra:n], *at, ser.* **Seýil**. *Seýran etsek niçe deňi-duş bile* (Magtymguly).*Ýedi yklyma seýran etsem* (Baýly şahyr).

**SEÝREGRÄK** [seýreğirä:k], *syp.* Adatdaky bolmalysyndan selçeň, arasy açygrak. *Seýregräk arça agaçlary asmana gol gerşip otyrdylar* (A. Gowşudow).

**SEÝREK I,** *syp.* **1**. Aralary biri-birinden açyk, her haýsy bir ýerde, gür däl, selçeň. *Gyrasy seýrek tally ýabyň bäri ýüzündäki uly peli otamaga düýn ikindin şagalaň bilen girişdiler* (A. Durdyýew). **2**.Käte bir gabat gelýän, gyt; selçeň bolýan. *Juda seýrek bolarmyş bulutlaryň ýalňyşy, Bulut gezse asmanda, ýöne ýere gezmeýär* (K. Gurbannepesow).

**SEÝREK II,** *at.* Bir zadyň on altydan bir bölegi, çärýegiň dörtden bir bölegini aňladýan ölçeg birligi.

**SEÝREKLEME**, *iş ady.* Seýreklemek ýagdaýy.

**SEÝREKLEMEK,** *işl.* **1**. Gürlük derejesi peselmek, azalmak, selçeňlemek. *Onuň saçy seýrekläp, agaryp başlapdyr.* **2**.Wagt taýdan arasy açylmak. *Soňky wagta onuň atasy öýüne gitmesi hem seýrekledi.*

**SEÝREKLEMEKLIK**, *iş ady.* Seýreklemek ýagdaýy.

**SEÝREKLEMEZLIK**, *iş ady.* Aralary açylyşyp başlamazlyk, selçeňlemezlik; azalmazlyk, kemelip başlamazlyk.

**SEÝREKLENMEK**,*işl., ser.* **Seýreklemek** we **Seýrekleşmek**.

**SEÝREKLEŞMEK**, *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan seýreklemek. *Bu ýerler öň gara baglykdy, indi agaçlary seýrekleşipdir. Gyş düşeli bäri daşarda oýnaýan çagalaryň sesi seýrekleşdi.*

**SEÝREKLETMEK,** *işl.* Gürlük derejesini peseltmek, selçeňletmek. *Jöwenleri seýrekletmek tabşyryldy.* **2**.Gelip-gitmesini kemeltmek. *Soňky wagtlarda ol bize gelmesini has-da seýrekletdi.*

**SEÝREKLEÝIŞ**,*iş ady.* Seýreklemek ýagdaýy.

**SEÝREKLÄBERMEK** [seýreklä:vermek], *işl.* Seýrekläp başlamak.

**SEÝREKLIK,** *at.* Gür dällik, selçeňlik, arasy açyklyk.

**SEZA** [seza:] **I**, *at, ser.* **Seda**. *Ýerden seza çykýar, kyrklardan ses çykmaýar* ("Görogly"). *Hiç haýsyndan seza çykmady* (B. Kerbabaýew).

**SEZA** [seza:] **II**, *at.* Syzlap agyrýan agyry, awy-zerzaw. *Aýaklarym seza.*

**SEZEWAR** [sezewa:r]**: sezewar bolmak** bir zada uçramak, duçar bolmak, sataşmak. *Pähm ediň, her ýerde bir päli azan Ýowuz musallatga sezewar bolar* (Magtymguly). **Sezewar etmek** bir zada duçar etmek, uçratmak, sataşdyrmak.

**SÄGINDIRMEK** [sä:ğinnirmek], *işl.* Säginmäge mejbur etmek. *Birden çykan ses ony sägindirdi.*

**SÄGINILMEK** [sä:ğinilmek], *işl.* Hereket az wagtlyk togtadylmak, ýöremän durulmak.

**SÄGINIŞ** [sä:ğiniş], *iş ady.* Säginmek ýagdaýy.

**SÄGINIŞMEK** [sä:ğinişmek], *işl.* Birnäçe bolup säginmek. *Nämä säginişip dursuňyz?*

**SÄGINME** [sä:ğinme], *iş ady.* Säginmek ýagdaýy.

**SÄGINMEK** [sä:ğinmek], *işl.* **1**. Az wagtlyk aýak çekmek, ýöremegi az wagtlyk togtatmak, durmak. *Ýaşuly gürrüňini şindem dowam etdirjekdi, arman, maşyn soňky duralgada sägindi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Aýtjak sözüňi aýdyp bilmän ýaýdanyp durmak. *Ol ilki bada näme jogap berjegini bilmän sägindi.*

**SÄGINMEKLIK** [sä:ğinmeklik], *iş ady.* Säginmek ýagdaýy.

**SÄGINMEZLIK** [sä:ğinmezlik], *iş ady.* **1**. Az wagtlyk säginip durmazlyk. **2**. Aýtjak sözüňi ýaýdanman aýtmak. *Okuwçy mugallymyň soraglaryna säginmän jogap berdi.*

**SÄGITME** [sä:ğitme], *at, sazç.* Dutarda ýerine ýetirilýän tilsim (bu kakuwy almak üçin dutarçy barmaklaryny "sägitmek" üçin gerek perdäniň üstünde saklaýar).

**SÄHEL**, *syp.*Az, köp däl, birneme, ujypsyz, azajyk.

**SÄHELÇE**, **1**. *syp.*Az-kem, ujypsyzja, birazajyk. *Sähelçe aýbyň bolsa, basyrylyp galjak däl. Sähelçe zat gerek.* **2**. Az wagtyň dowamynda. *Sähelçe garaşan bolsaň, menem gelerdim.*

**SÄHER**, *hal.* Ir ertir, ir bilen, daňdan, gün dogmazynyň öň ýany. *Gije guma ýagyş ýagyp, säheriň howasy biçak arassa şahyranady* (B. Hudaýnazarow). *Säher bilen nirä barýaň?*

**SÄHER-SÄHER**, *hal.* Ir bilen, säher wagtlary (köp gezek*) Säher-säher şirin saýran torgaýlar, jöwzaň günortany çöpe busupdyr* ("Edebiýat we sungat"). *Säher-säher turup, gyzlar-gelinler Açan bägüllerňe seýle gelerler* (K.Gurbannepesow).

**SÄHET**, *at.* **1**. Türkmenlerde köneden gelýän müneçjimçilik (astrologiýa) düşünjesine görä, ugralýan tarapda, ýerde ýa-da asmanda ýyldyzyň ýokdugyna esaslanylyp, bir işe başlamak, bir ýere ugramak (gelin getirmek, uzak ýola çykmak we ş.m.) üçin amatly diýlip hasaplanýan gün. *Eý, Hemra jan, siziň ýurduňyza hem aýyň, günüň sähedi bilen gidermiz* ("Saýatly – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Sähet almak** gelin edinjek tarap gyz çykarjak tarap bilen ylalaşyp, olardan toýuň boljak gününi anyklamak. **Sähet bermek** gyzly tarap gelin edinjege gyzy durmuşa çykarjak gününi düzgüne görä anyklap bermek. **Sähet bellemek** gyz çykjak, gelin ediniljek günüň sähedini kesgitlemek. *Şu gün*

*oňa mal kesdirip, sähet bellejekdiris* (B. Kerbabaýew).

**SÄHETLI**, *syp.* Sähedi öňünden bellenen (gün hakynda).

◊ **Sähetli gün** tutumly işe başlamak üçin amatly hasaplanýan gün.

**SÄHNE**, *at.* Akyl-huşy kemli, tentek, samsyk. *Sähne adam saz gadyryn näbilsin?* (Halk aýdymyndan).

**SÄHRA** [sähra:], *at.* **1**. Gurak howaly giden giňişlik, giden giň ýer, gyr. **2**. Gyza dakylýan at.

**SÄHRALYK** [sähra:lyk], *syp.* Sähra ýer. *Sähralygyň göwnüňi açýan arassa howasy bardy.*

**SÄKDIRIŞ** [sä:kdiriş], *iş ady.* Säkdirmek ýagdaýy.

**SÄKDIRME** [sä:kdirme], *iş ady.* Säkdirmek ýagdaýy.

**SÄKDIRMEK** [sä:kdirmek], *işl.* **1**. Atyň iki öň aýagyny atdyryp sürmek. *Ballym, atyň säkdirme* ("Türkmen halk döredijiligi"). **2**. Maýyşgak taýagyň bir ujuny ýere bat bilen urup bökdürmek.

**SÄKDIRMEKLIK** [sä:kdirmeklik], *iş ady.* Säkdirmek ýagdaýy.

**SÄM** [sä:m], *syp.* Üşügi ýok, çendenaşa sada. *Säm adam.*

**SÄMEME** [sä:meme], *iş ady.* Sämemek ýagdaýy.

**SÄMEMEK** [sä:memek], *işl.*, *gepl.d.* **1**. Köwsarlap, birde güýjejek ýaly edip, birde-de çala ösmek (ýel, şemal hakynda). *...Bahar şemaly sämeýär* (A. Gowşudow). **2**. Aýlandyrylyp goýberilen ýaly bolmak, başyň aýlanmak, kelläň bulaşmak.

**SÄMEMEKLIK** [şä:memeklik], *iş ady.* Sämemek ýagdaýy.

**SÄMEŞMEK** [sä:meşmek], *işl.* Birnäçe adamyň kellesi sämemek. *Kellämiziň sämeşip duran wagty işläp bilermikäk?!*

**SÄMETMEK** [sä:metmek], *işl.* Sämemek katdyna ýetirmek. *Kelläňi sämedip durar ýaly sen näme oglan-oglanjykmy?*

**SÄMEÝIŞ** [sä:meýiş], *iş ady.* Sämemek ýagdaýy.

**SÄMLIK** [sä:mlik], *at.* Türkanalyk, sadalyk. *Ol sämlige salyp, etjegini edip ýör.*

**SÄPJEME** [sä:pjeme], *iş ady.* Säpjemek ýagdaýy.

**SÄPJEMEK** [sä:pjemek], *işl.* Batly gitmek (at, düýe we ş.m. hakynda). *Al ýorga noburyň boýundaky ýola düşdi-de, säpjäp ugrady* (B. Kerbabaýew).

**SÄPJEMEKLIK** [sä:pjemeklik], *iş ady.* Säpjemek ýagdaýy.

**SÄPJETMEK** [sä:pjetmek], *işl.* Batly gider ýaly etmek, ulagy batly sürmek (at,düýe hakynda). *Ynha, ol bärden ýabysyny säpjedip barýar* (G. Kulyýew). *Çolugymyz Sähet gök bugurçyny onuň garaba-garaba yzyndan säpjedip ugrady* (B. Annageldiýew).

**SÄPJEÝIŞ** [sä:pjeýiş], *iş ady.* Säpjemek ýagdaýy.

**SÄPJÄBERMEK** [sä:pjä:vermek], *işl.* Batly gidibermek, säpjäp başlamak.

**SÄW** [sä:w], *at.* Saý-sebäp, sebäp. *Otur-da çaý iç, indi bir säw bilen gelipsiň* (A. Durdyýew).

**SÄWLIK** [sä:wlük], *at.* Ýalňyşlyk, atanlyk. *Mert ýigit säwlikde ýykylan ýigidiň üstüni basmaz* ("Görogly").

**SI** [si:], *sazç.* "Do" bilen başlanýan saz gammasynda ýedinji ses we şol sesi aňladýan nota belgisi.

**SIGAR** [siğa:r], *at.* Naýça şekilinde biri-biriniň daşyna berk togarlanan we çekmek üçin ulanylýan temmäki ýapraklary.

**SIGARET** [siğare:t], *at.* Müşdüksiz papiros.

**SIGNAL** [siğna:l], *at.* Belli bir aralyga haýsydyr bir maglumaty, habary bermek üçin şertli belgi.

**SIGNALÇY** [siğna:lçy], at. Signal beriji adam. *Signalçy matros.*

**SIGNALIZASIÝA** [siğnalyza:syýa], *at.* Signal beriji enjam. *Ýangyna garşy signalizasiýa oturtmak.*

**SIKL** [si:kl], *at.* Haýsydyr bir zadyň gutarnykly ösüş aýlawyny emele getirýän özara baglanyşykly prosesleriň, işleriň, hadysalaryň jemi. *Leksiýalar sikli. Önümçilik sikli.* .

**SIL** [si:l], *at.* Güýçli we köp ýagan ýagyş sebäpli emele gelýän suw akymy. *Geçme namart köprüsinden, goý aparsyn sil seni* ("Myraly").

**SILE** [si:le], *at.* Balygyň bir görnüşi.

**SILEWE** [si:löwö], *at.* Siliň akabasynda, sil suwuna ekilip alynýan bakja ekinleri.

**SILINDR** [sili:ndir], *at.* **1**. Matematikada: gönüburçlugyň öz taraplarynyň biriniň töwereginde aýlanmagy arkaly emele gelýän geometrik şekil. **2**. Şeýle şekildäki predmet, zat (mysal üçin, masynyň silindri).

**SILKDIRMEK** [silikdirmek], *işl.* **1**. Silkmek işini ýa-da hereketini başga birine etdirmek. *Çagalary erige mündürip, onuň şahalaryny silkdiräýmesem, erigini ýygmak maňa kyn düşjek.Gyzyňa un haltasyny silkdireweri.* **2**. Silkmek derejesine ýetirmek. *Sürüji maşynyny silkdirip goýberdi.*

**SILKELEME**, *iş ady.* Silkelemek ýagdaýy.

**SILKELEMEK,** *işl.* Yzly-yzyna, gaýta-gaýta silkemek. *Ol semawary silkeläp, külüni aýyrdy. Ony bir-iki gezek dözümli silkeledi.*

**SILKELEMEKLIK**, *iş ady.* Silkelemek ýagdaýy.

**SILKELEMEZLIK**, *iş ady.* Bir zady gaýta-gaýta silkemezlik.

**SILKELENMEK**, *işl.* Dowamly, yzygiderli silkelenmek. *Birdenkä onuň güýçli maşyny, Silkelendi degen okuň badyna* (Ç. Aşyrow).

**SILKELEŞMEK**, *işl.* **1**. Silkelemäge kömek etmek. *Olar undan boşan haltalary silkeleşdi.* **2**. Birnäçe bolup, bilelikde silkelemek.

**SILKELETMEK**, *işl.* Silkelemek işini ýa-da hereketini başga birine etdirmek; bir zady silkelemäge mümkinçilik döretemk, ýol bermek.

**SILKELEÝIŞ**, *iş ady.* Silkelemek ýagdaýy.

**SILKELÄBERMEK** [silkelä:vermek], *işl.* Silkeläp ugramak; dowamly silkelemek.

**SILKEME**, *iş ady.* Silkemek ýagdaýy.

**SILKEMEK**, *işl.*, *gepl.d.*, *ser.* **Silkmek**. *Ýaş nahallary silkeseň döwersiň.*

**SILKEMEKLIK**, *iş ady.* Silkemek ýagdaýy.

**SILKEMEZLIK**, *iş ady.* Silkemek hereketini etmezlik.

**SILKEŞMEK**, *işl.* **1**. Silkemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde silkemek.

**SILKETMEK**, *işl.* Silkemek işini başga birine etdirmek; silkemäge ýol bermek.

**SILKEÝIŞ**, *iş ady.* Silkemek ýagdaýy.

**SILKÄBERMEK** [silkä:vermek], *işl.* Yzygiderli silkeläp başlamak.

**SILKIBERMEK** [silkivermek], *işl.* Silkip başlamak, silkmek işini dowam etdirmek.

**SILKINDIRMEK** [silkinnirmek], *işl., göç.m.* Gün-güzeranyň gowulaşmagyna kömek etmek, galkyndyrmak.

**SILKINIBERMEK** [silkinivermek], *işl.* Gün-güzeran durmuş ýagdaýyňy gowulandyrybermek.

**SILKINIŞ**, *iş ady.* Silkinmek ýagdaýy.

**SILKINIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup silkinmek.

**SILKINJIREMEK**, *işl.* **1**. Üst-başyňy silkişdirmek, kakyşdyrmak. **2**. Gaharly silkinip, ýeriňden galan bolmak, kakynjyramak. *Birdenkä-de, gyz silkinjiräp, ony güýç bilen iterdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *ser.* **Silkinmek.**

**SILKINJIRÄBERMEK** [silkinjirä:vermek], *işl.* Gaharly silkinjiräp başlamak.

**SILKINMEK**, *işl.* **1**. Öz bedenini silkmek, titretmek. *At suwdan çykan dessine silkindi.* **2**. Direnmek, dag ýaly bolup durmak. *Meniňem silkinip duran doganlarym bolan bolsa bolmaýarmy?!***3**. *göç.m.* Gurplanmak, özüňi tutmak. *Bu ýyl eken ekinlerimiz gowy bolansoň, bizem gowuja silkindik.*

**SILKINMEKLIK**, *iş ady.* Silkinmek ýagdaýy.

**SILKIŞ**, *iş ady.* Silkmek ýagdaýy.

**SILKIŞDIRMEK**, *işl.* Birnäçe zady silkip çykmak. *Ol eşikleriniň garyny silkişdirdi.*

**SILKIŞMEK**, *işl.* Köp bolup silkmek, bilelikde silkmek. *Un haltalaryň ununy silkişmek.*

**SILKME** [silikme] **I**, *iş ady.* Silkmek ýagdaýy.

**SILKME** [silikme] **II**, **1**. *syp.*Burum-burum ösgün tüýli deriden tikilen (telpek hakynda). *Silkme telpek.* **2**. Burum-burum ösgün tüýli deriden tikilen telpegin ady. *Ýaşy otuz bäşe baran, Gara silkme bar başynda* (Ç. Aşyrow).

**SILKMEK** [silikmek], *işl.* **1**.Güýç bilen yzly-yzyna itip, iteläp yralamak. *Silkip alma gaçyrmak.* **2**.Birden bat bilen özüne tarap dartmak, batly çekmek. *Ol ýaba gözüni alardyp, "haýt" diýip, rişmesini silkdi* (A. Durdyýew). **3**. Eýläk-beýläk çaýkamak, öňe-yza yralamak. *Maşyn birden batly silkdi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Keçäni, ýaglygy we ş.m. eliňde galgadyp, tozanyny, hapasyny aýyrmak (*ser.* **Kakmak**). *Egin-eşigiňi silkmek.*

**SILKMEKLIK** [silikmeklik],*iş ady.* Silkmek ýagdaýy.

**SILLENMEK** [si:llenmek], *işl., kön.s.* Sil bolup akmak. *Gözde ýaşy sillener* (Magtymguly).

**SILTELEMEK**, *işl.* Gaýta-gaýta, yzly-yzyna siltemek.

**SILTELMEK**, *işl.,ser.* **Silterlenmek**.

**SILTEME**, *iş ady.* Siltemek ýagdaýy.

**SILTEMEK**, *işl.* **1**. *gepl.d., ser.* **Silterlemek**. *Atyň agzyndaky torbany siltäp aýyrdy* (G. Kulyýew). **2**. Iki-baka çaýkamak, gaty yramak, silkmek. *Çarkandak ýol arabanyň üstündäki adamlary silteýärdi.* **3**. Eliň bilen bir ýerinden tutup, bat bilen eýläk-beýläk itmek. *Ýumruk ýaly çagany beýdip siltäp durmaga utanaňokmy?* **4**. *göç.m.* Ezýet bermek, horlamak. *Onuň eline galsaň, siltän ýeri köp bolar.*

**SILTEMEKLIK**, *iş ady.* Siltemek ýagdaýy.

**SILTENJIREMEK**, *işl.* Gaharly, kineli hereket etmek. *Gelin gapyny siltenjiräp ýapyp gitdi.*

**SILTENJIREŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup siltenjiremek.

**SILTENJIREÝIŞ**, *iş ady.* Siltenjiremek ýagdaýy.

**SILTENJIRÄBERMEK** [siltenjirä:vermek], *işl.* Gaharly, kineli halda siltenip hereket edip ugramak. *Hergiz biriniň diýen zadyna öýkeläp siltenjiräbermegin, giňräk bolgun.*

**SILTENMEK**, *işl.* **1**. Durky bilen siltenjiremek. *Ol gazap bilen siltendi.* **2**. *ser.* **Silterlenmek 2**.

**SILTERLEME**, *iş ady.* Silterlemek ýagdaýy.

**SILTERLEMEK**, *işl.* Biriniň bir ýerinden pugta tutup, öňe-yza iteklemek, gaýta-gaýta siltemek. *Batman onuň golundan tutup, iki-baka silterledi* (N. Pomma).

**SILTERLEMEKLIK**, *iş ady.* Silterlemek ýagdaýy.

**SILTERLEMEZLIK**, *iş ady.* Silterläp durmazlyk.

**SILTERLENMEK**, *işl.* **1**. Bat bilen siltelmek. **2**. Ezýet berilmek, horlanmak.

**SILTERLEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup bilelikde silterlemek; biri-biriňi silterlemek. *Özüňizden kiçileri silterleşip durmaňyzy bes ediň.*

**SILTERLETMEK**, *işl.* **1**. Silterlemäge mümkinçilik bermek, ýol bermek. **2**. Özüňe ezýet berdirmek, özüňi horlatmak.

**SILTERLEÝIŞ**, *iş ady.* Silterlemek ýagdaýy.

**SILTERLÄBERMEK** [silterlä:vermek], *işl.* Silterläp ugramak. *Az zat üçin birini silterläbermek bolarmy?*

**SILTEŞDIRMEK,** *işl.* Baryny bir ýanyndan siltäp çykmak.

**SILTEŞMEK**, *işl.* Biri-biriňi siltemek.

**SILTETMEK**, *işl.* Biriniň siltemegine ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Men seni siltedip bilmerin.*

**SILTEÝIŞ**, *iş ady.* Siltemek ýagdaýy.

**SILTÄBERMEK** [siltä:vermek], *işl.* Siltäp ugramak; dowamly siltemek. *Sen-men ýok, ony siltäberdi.*

**SIM** [si:m] **I**, *at, k.d.*. Kümüş. *Saçbagyň ujunyň simdir işmesi* (Magtymguly).

**SIM** [si:m] **II**, *at.* Dürli ýogynlykda çybyk görnüşli metal önüm.

**SIMAGAÇ** [si:mağaç], *at, gepl.d.* Tok, telefon simlerini geçirmek üçin dikilen naw.

**SIMAP** [si:ma:p], *at.* Kümüş reňkli suwuk metal, himiki element. *Perwana ot görse, jan biýr, aýrylmaz, Simap gyzyl tapsa, meges bal tapsa* (Magtymguly). *Kümüş zäge mätäç, altyna simap* (Mollanepes).

**SIMKEŞ** [si:mkeş], *at. zergärç. s.* Zergäriň kümüşi süýmek üçin ulanýan ululy-kiçili köp deşikli ýasy guraly.

**SIMLEME** [si:mleme], *iş ady.* Simlemek ýagdaýy.

**SIMLEMEK** [si:mlemek] **I**, *işl.* Bir zady sim bilen berkitmek, sim orap daňmak.

**SIMLEMEK** [si:mlemek] **II**, *işl.* Azyp iriňlemek, azyp beterlemek (ýara, baş, diş we ş.m. hakynda). *Ýara simläpdir.*

**SIMLEMEKLIK** [si:mlemeklik] **I**, *iş ady.* Simlemek ýagdaýy.

**SIMLEMEKLIK** [si:mlemeklik] **II**, *iş ady.* Simlemek, azmak ýagdaýy.

**SIMLEMEZLIK** [si:mlemezlik] **I**, *iş ady.* Bir zady sim bilen berkitmezlik.

**SIMLEMEZLIK** [si:mlemezlik] **II**, *iş ady.* Azyp iriňlemezlik (ýara, baş we ş.m. hakynda). *Dişiň simlemezligini isleseň, ýyly saklamaly.*

**SIMLEŞMEK** [si:mleşmek], *işl.* Sim orap daňyşmak.

**SIMLETMEK** [si:mletmek], *işl.* Azdyryp iriňletmek. *Aýna dişini simledipdir.*

**SIMLEÝIŞ** [si:mleýiş], *iş ady.* Simlemek ýagdaýy.

**SIMLÄBERMEK** [si:mlä:vermek], *işl.* Azyp iriňläp başlamak.

**SIMTARAŞ** [si:mtaraş], *at.* Atyň toýnagyny gyrmak üçin ulanylýan orak pisint ýiti gural. *Atyň toýnagy simtaraş bilen gyrylýar.*

**SIMWOL** [si:mvol], *at.* Belli bir düsünjäni, ideýany, obrazy aňlatmak hyzmatyny ýerine ýetirýän nyşan, predmet we ş.m. *Türkmen topragynda kemala gelen ahalteke bedewi tebigatda ynsanyň zähmeti, zehini bilen döredilýän güýjüň, sagdynlygyň we gözelligiň simwolydyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow).

**SINTAKSIS** [si:ntaksi:s], *at, dil.b.* **1**. Grammatikanyň sözlemleriň düzülişini we sözlem içindäki söz düzümlerini öwrenýän bölümi. **2**. Bir dile mahsus bolan sözlemiň gurluşy we sözlemde sözleriň baglanyş ýollary.

**SIŇDIRILMEK**, *işl.* **1**. Içine, gatyna siňer ýaly edilmek. *Indi onuň goýun ýagy siňdirilen, her haýsy üç metr uzynlygynda üç sany ýogyn agajy bardy* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Sarp edilmek, güýç goýulmak. *Ol ilki bu küdä siňdirilen zähmeti ölçedi.*

**SIŇDIRMEK**, *işl.* **1**. Iýilýän iýmiti aşgazan arkaly özleşdirmek. **2**. Bir zadyň içine, gatyna siňer ýaly etmek. **3**. Sarp etmek, güýç goýmak, bagyş etmek.

**SIŇE: siňe seretmek** bir zada dykgat bilen äňetmek, siňňin garamak. **Siňe synetmek** pugta, içgin synlamak, seretmek. *Ähli hereketine assyrynlyk bilen syn edýärdi* (B. Gurbanow).

**SIŇEK,** *at.* Ýokanç keseller ýaýradýan iki ganatlyja mör-möjek. *Siňegem öl ýere gonar* (Nakyl).

◊ **Siňek tutjak gurbaga ýaly** aňkaragan, gören zadyna aňkaryp ýören. **Siňeklän it ýaly** ykmanda, öz öýünde oturmagy kyn görýän.

**SIŇIBERMEK** [siňivermek], *işl.* Kem-kemden siňip başlamak.

**SIŇIR,** *at.* Beden etiniň birleşdiriji sary çeýe damary. *Gördüm, jan hem "Alla" diýr, Et, siňir, gan içinde* (Magtymguly).

**SIŇIRME I,** *iş ady.* Siňirmek ýagdaýy.

**SIŇIRME II,** *at.* Üç sany çyzygyň birleşmesinden emele gelýän ýarty gözenegiň içine gaňyrçakly ýa-da gaňyrçaksyz çyzyjak edilip, hala, çuwala, el işlerine salynýan nagyş. *Siňirme salnan tahýa.*

**SIŇIRMEK**, *işl., ser.* **Siňdirmek 1**. *Allaberdi baý: "Meret ol haýatyň hasylyny ine-gana siňirmese gerek"diýdi* (A. Durdyýew).

**SIŇIŞ**,*iş ady.* Siňmek ýagdaýy.

**SIŇIŞMEK**, *işl.* **1**. Iýilýän iýmit aşgazanda kem-kemden siňmek, özleşmek. *Iýen naharym birneme siňişsin!* **2**. Bir zadyň içine, gatyna ýuwaş-ýuwaşdan syzyp geçmek. *Suw siňişdi.*

**SIŇLI**, *at, ýerli g..* Aýal dogan, uýa, bajy. *Agaýunus peri bilen Gülşirin siňlisi haremhanada otyrdy* ("Görogly").

**SIŇME**, *iş ady.* Siňmek ýagdaýy.

**SIŇMEK**, *işl.* **1**. Iýilýän iýmit aşgazan arkaly özleşmek. *Iýeniň-içeniň siňmez janyňa, Perwaýsyz gararsyň hany-manyňa* (A. Kekilow). **2**. Bir zadyň içine sorulyp geçmek (suwuklyk hakynda). *Oňa bir suw ýygnandy welin, güýze çenli siňip ýetişmedi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir ýa-da köp zadyň içine girip, aralaşyp gitmek, garyşyp gitmek. *Uçar bulutlaryň arasyna siňip gitdi.* **4**. *göç.m.* Sarp edilmek, harçlanmak. *Bar gazananym şu oturan jaýymyza siňdi.*

**SIŇMEKLIK**,*iş ady.* Siňmek ýagdaýy.

**SIŇŇIL**,*at.* Köplenç, ele çykýan düwürtik şekilli gaty ösüntgi.

**SIŇŇIN** [siňňi:n], *hal.* **1**. Üns bilen, dykgatly, içgin, siňe. *Magtymguly ýaş ýigidiň golundan tutup, ýüzüne siňňin garady-da: – Howlukma, oglum! – diýip maslahat berdi* (G. Kulyýew). **2**. Birsydyrgyn, bir boluşly, yzygiderli, asuda. *Suwuň siňňin akanyndan gork, ýigidiň ýere bakanyndan* (Nakyl).

**SIŇŇINLIK** [siňňi:nlik], *at.* **1**. Dykgatlylyk, üns berijilik, içginlik. *Ol gapdalyndaky tümmege siňňinlik bilen seretdi* (A. Gowşudow). **2**. Birsydyrgynlyk, bir boluşlylyk, yzygiderlilik, asudalyk.

**SIŇŇITLI** [siňňi:tli], *syp.* **1**. Aşgazanda ýeňil özleşýän, basym siňip gidýän (iýmit hakynda). *Çaýy naharyň soňundanjyk içseň, endamyňa siňňitli bolýar* (B. Kerbabaýew). **2**.Kem-kemden syzyp geçýän (suwuklyk hakynda).

**SIŇREN**,*at.* Gumda bitýän pürli, ýumşak baldakly, agymtyl-çal reňkli ösümlik.

**SIR** [si:r] **I**, *at, k.d.* Dok, doýan. *Bu jahanda doýmaz gözüň, sir bolmaz* (Magtymguly).

**SIR** [si:r] **II**, *at, taryh.* Suw bölünişiginiň 40-dan bir bölegi (bu bölünişik suwdan peýdalanýanlaryň sany köp bolanda ulanylypdyr).

**SIRE: sire atmak** tarada mata dokalanda, argajy bir mäki bilen atmak, bir mäki bilen dokamak.

**SIRIÝALY** [si:riýaly], *at, ser.* **Siriýalylar**.

**SIRIÝALYLAR** [si:riýalylar], *at.* Siriýanyň ýerli ilaty.

**SIRKE I**, *at.* **1**.Nahara sepmek üçin hora üzüm sykylyp, turşadylyp alynýan suwuklyk. *Sirke aýdar: Bal menem, Nebit özün ýag saýar* (Magtymguly). **2**. Önümleri, köplenç, aýna gaba salyp ýapmak we ş.m. üçin ulanylýan ýiti turşy tagamly suwuklyk.

**SIRKE II**, *at.* Hapaçylyk sebäpli adamda döreýän bitiň tohumy, onuň taşlaýan ýumurtgasy. *Bardyr gözel, sirke basar saçyny, Artmaz-ýuwmaz tabagynyň daşyny* (Magtymguly).

**SIRKELEME**, *iş ady.* Sirkelemek ýagdaýy.

**SIRKELEMEK**, *işl.* Saçy sirke basmak, saçda sirke döremek. *Onuň saçy sirkeläpdir.*

**SIRKELEMEKLIK**, *iş ady.* Sirkelemek ýagdaýy.

**SIRKELEMEZLIK**, *iş ady.* Saçy sirke basmazlyk, saçda sirke döremezlik.

**SIRKELETMEK**, *işl.* Saçyňy sirkä basdyrmak.

**SIRKELEÝIŞ**, *iş ady.* Sirkelemek ýagdaýy.

**SISTEMA** [siste:ma], *at.* **1**. Haýsydyr bir zadyň, hereketleriň ýerleşişindäki hem-de baglanyşygyndaky belli bir kesgitli tertip. **2**. Nämedir bir zadyň guralyşynyň formasy, görnüşi. *Saýlaw sistemasy.* **3**. Kanunalaýyk ýerleşen we özara baglanyşykly bölekleriň bitewüligi görnüşinde ýüze çykýan tutuş zat. *Diliň fonetik sistemasy. Diliň grammatik sistemasy. (D.I. Mendeleýewiň) elementleriň periodik sistemasy.*

◊ **Gün sistemasy** Gün we onuň daşyndan aýlanýan uly planetalar, olaryň hemralary, kometalar hem-de meteorlar.

**SIŞENBE** [si:şemme], *at.* Hepdäniň ikinji gününiň ady.

**SIWILIZASIÝA** [siviliza:siýa], *at.* **1**. Jemgyýetçilik ösüşiniň we maddy-ruhy medeniýetiň ol ýa beýleki sosial-syýasy formasiýa häsiýetli basgançagy. *Türkmenistan gadymy siwilizasiýalaryň mekanydyr.* **2**. Häzirki zaman dünýä medeniýeti (*medeniýet* sözüniň "adamzadyň önümçilik, sosial we intellektual babatlarda gazanan üstünlikleriniň jemi" manysynda).

**SIÝDIK**, *at.* Böwrekler arkaly bölünip, siýdikligiň üsti bilen çykýan suwuklyk, peşew. *Siýdik haltasy.*

◊ **Siýdik siňdiren gara keçe** özüne aýdylýan igençlere, käýinçlere ýagşydan-ýamandan gaýtargy bermän, giňlik edip bilýän, olary özüne siňdirip bilýän (adam).

**SIÝDIKLIK**, *at.* Siýdik ýygnanýan haltajyk, peşew haltasy. *Düýe çaly bagyr agyrma keselini we siýdiklik hem-de jyns agzalarynyň kesellerini bejermek üçin hem oňat dermandyr* (M. Abdyllaýew).

**SIÝMEK,** *işl.*, *ser.* **Buşukmak**.

**SIZ**, **1**. Ikinji şahsyň köplügini görkezýän at çalyşmasy. **2**. Birnäçe adama ýüzlenilende, birine ýüzleneňde bolsa hormat goýlup ulanylýan söz.

**SIZLIK**, *syp.* **1**. Siz bilen baglanyşykly, size dahylly. *Meniň sizlik bir işim bar.* **2**. Gepleýän adamyň ýüzlenilýän adamyň tarapyny tutýandygyny aňladýan söz. *Olaryň hemmesi sizlik boldular.*

**SIZIŇÇE**,"Siziň pikiriňizçe, siziň pikir edişiňize görä" ýaly manyny aňladýan giriş sözi.

**SKRIPKA** [iskiri:pka], *at.* Dört kirişli, perdesiz, kemençe bilen süýkelip çalynýan saz guraly.

**SKRIPKAÇY** [iskiripkaçy], *at.* Skripka çalýan sazanda.

**SLAWÝAN** [yslavýa:n], *at, ser.* **Slawýanlar**.

**SLAWÝANLAR** [yslavýa:nlar], *at.* Rus, ukrain, belorus we beýleki halklaryň ata-babalary.

**SLOWAK** [yslawa:k], *at, ser.* **Slowaklar**.

**SLOWAKLAR** [yslawa:klar], *at.* Slowakiýanyň esasy ilatyny düzýän slawýan halky.

**SLOWEN** [slowe:n], *at, ser.* **Slowenler**.

**SLOWENLER** [slowe:nler], *at.* Sloweniýanyň esasy ilatyny düzýän slawýan halky.

**SOGAN** [soğon], *at.* Ýaşy gök hem uzyn, düýbi togalak, iýilýän ajy gök ekin. *Oňa biraz duz atylsa, Sogan, gara burç gatylsa, Iýip-iýip doýmarsyň* (R. Seýidow).

◊ **Sogan soýan ýaly soýmak** her hili ýol bilen biriniň köp zadyny almak.

**SOGANÇY** [soğonçy], *at.* **1**. Ýörite sogan ekýän ýa-da satýan adam. *Siziň ýaly giýewisi bolsa, Abdykerim sogançynyň başy asmana ýeter* (B. Seýtäkow). **2**. Sogan iýmegi gowy görýän adam.

**SOGAP** [soğa:p], *at.* **1**. Dogrulyk, dürslük. **2**. Biri barada dogry iş hem-de hereket etmek, ýagşylyk. *Ýetime, ýesire garaşyk etmek sogapdyr*. **3**. *gepl.d.* Eden ýagşylygyň üçin hudaý tarapyndan özüňe edilýän hormat-sylag. *Ýagşylyk edip, sogap gazanmak.*

◊ **Sogap iş etmek. Sogap gazanmak** ýagşylyk, oňlanylýan iş edip, sogap gazanmak.

**SOGDURMAK** [so:ğdurmak] **I**, *işl.* **1**. Bogunlary, sesleri uzyn çekip, süýndürip, sokduryp geplemek, sozup aýtmak. *Jarçy sesini uzyn sogduryp, ala ýabysyny seňkildedip geçip gitdi* (A. Gowşudow). **2**.Dowamly uzyn ses çykarmak.

**SOGDURMAK** [so:ğdurmok] **II**, *işl.* Sogup damar ýaly etmek, sogmak derejesine ýetirmek (goýy zat hakynda).

**SOGDURMAKLYK** [so:ğdurmokluk], *iş ady.* Sogdurmak ýagdaýy.

**SOGLUŞ** [soğluş], *iş ady.* Sogulmak ýagdaýy.

**SOGMA** [so:ğmo], *iş ady.* Sogmak ýagdaýy.

**SOGMAK** [so:ğmok], *işl.* **1**. Süýgüp, sozulyp dammak, çalarak akmak (goýy zat hakynda). *Çemçeden bal sogup akýardy.* **2**. Gözüni-gaşyny gerip, durky bilen emaý bilen hereketlenmek, süýnüp-sarkmak. *Bezemen gelin dünýäde özünden*

*başga adam bardyr öýtmän, ýol bilen sogup barýardy*. **3**. Yzly-yzyna tirkeşip süýnüp gitmek. *Köçelerden maşynlar sogup barýar.*

**SOGMAKLYK** [so:ğmokluk] **I**, *iş ady.* Sogmak ýagdaýy.

**SOGRUBERMEK** [soğruvermek], *işl.* Bir ýanyndan sogrup başlamak, sogrup ugramak; dowamly sogurmak.

**SOGRULMAK** [soğrulmok], *işl.* **1**. Kakylan çüý, gazyk, dikilen ýa-da gögerip oturan agaç goparylyp aýrylmak, çekilip çykarylmak. *Birdenkä ýokardaky gazyk sogruldy* (N. Jumaýew). **2**. *göç.m.* Adamlaryň içinden saýlanyp çykmak. *Ol köp atlynyň içinden sogrulyp, biziň yzymyzdan kowýar* ("Görogly"). **3**. *gepl.d.* Dem almasy galmak, jany çykmak, ölmek.

◊ **Demi sogrulmak** ölmek. *Garry atasy: "Demim sogrulýança bedeberrewlige ýol bermen" diýdi.*

**SOGRUŞ** [soğruş], *iş ady.* Sogurmak ýagdaýy.

**SOGRUŞMAK** [soğruşmok], *işl.* **1**. Sogurmaga kömekleşmek. *Oňa ýere dikilen agajy sogruşdym*. **2**. Birnäçe adam bolup sogurmak. *Adamlar guran agaçlary sogruşyp ýördüler*.

**SOGUBERMEK** [so:ğuvermek], *işl.* Süýgüp damybermek, çalarak akybermek (goýy zat hakynda).

**SOGULJAN** [soğulja:n], *at.* Adamyň we haýwanyň içegeleriniň içinde emele gelýän ýasy uzyn gurçuk.

**SOGULMA** [soğulmo], *iş ady.* Sogulmak ýagdaýy.

**SOGULMAK** [soğulmok], *işl.* **1**. Suwy çekilmek, suwy azalmak (guýy, akar, çeşme we ş.m. hakynda). *Akar suwlar soguldy, Çöl ýerler guýa döndi* (Magtymguly). **2**. Içine ýylan ýa-da başga bir hapa düşen guýynyň suwuny çekip çykarmak. *Guýynyň suwuny sogulmak*. **3**. Süýdi çekilmek, azalmak (sagylýan mal hakynda). **4**. Bir zat sebäpli eti-gany çekilmek, gitmek, horlanmak (köplenç, beden agzasy hakynda).

**SOGULMAKLYK** [soğulmokluk], *iş ady.* Sogulmak ýagdaýy.

**SOGURMA** [soğurmo], *iş ady.* Sogurmak ýagdaýy.

**SOGURMAK** [soğurmok], *işl.* Kakylan çüýi, gazygy, dikilen ýa-da gögerip oturan agajy goparyp aýyrmak, çekip çykarmak; bir zadyň içinden çekip almak. *Şu hanany soguraýsam, onsoň bu düýp gowaçanyň menden armany ýok* (A. Durdyýew).

**SOGURMAKLYK** [soğurmokluk], *iş ady.* Sogurmak ýagdaýy.

**SOGURMAZLYK** [soğurmozluk], *iş ady.* Dartyp goparmazlyk, çekip çykarmazlyk, çekip almazlyk.

**SOGURTMAK** [soğurtmok], *işl.* Sogurmak işini başga birine etdirmek; sogurmaga ýol bermek. *Şol gazygy maňa sogurtsana*.

**SOGUŞ** [so:ğuş], *iş ady.* Sogmak ýagdaýy.

**SOGUŞMAK** [so:ğuşmok], *işl.* **1**. Birnäçe zatlaryň sogmagy, damyp durmagy. *Kak serlen süýji gawun dilimleriniň şiresi soguşyp durdy*. **2**. *göç.m.* Yzly-yzyna tirkeşip, süýnüp gitmek.

**SOJABERMEK** [so:ja:vermek], *işl.* Ýadamak, aglamak, alňasap tolgunmak we ş.m. sebäpli çalt-çaltdan dem alyp, sojap başlamak.

**SOJAMA** [so:jomo], *iş ady.* Sojamak ýagdaýy.

**SOJAMAK** [so:jomok], *işl.* Ýadamak we ş.m. sebäpli demiň demiňe ýetmän, kynlyk bilen dem almak. *Ol özüni lampa oturgyja goýberdi-de, sojap dem aldy* (B. Kerbabaýew).

**SOJAMAKLYK** [so:jomokluk], *iş ady.* Sojamak ýagdaýy.

**SOJAMAZLYK** [so:jomozluk], *iş ady.* Sojap dem almazlyk.

**SOJAŞMAK** [so:joşmok], *işl.* Birnäçe adam sojamak.*Häliden bäri sojaşyp duranlar biri-birine sag eliniň külbikelerini uzadyşyp, "palta gerekmi, gylyç? " edişdiler* (B. Annageldiýew).

**SOJATMAK** [so:jotmok], *işl.* Sojamaga mejbur etmek, sojamak derejesine ýetirmek. *Şol agyr ýyllar Şekeri çendan sojadýardy* (B. Kerbabaýew).

**SOJAÝYŞ** [so:joýuş], *iş ady.* Sojamak ýagdaýy.

**SOKAK** [sokok], *at, kön.s.*Köçe. *Sokakdan tä Harem içre girinçä* (Kutbeddin).

**SOKARRYK** [sokorruk], *at.* Soganyň tohum berýän baldagy, porruk.

**SOKDURMAK** [sokdurmok], *işl.* **1**. Sokmak işini başga birine etdirmek; saldyrmak. **2**. Çakyp zäherini bedenine goýbermegine ýol bermek. *Möýe sokdurmak*. **3**. Egnine eşigini, aýagyna köwşüni geýdirmek. *Çagaň aýak ýalaňaç gezip ýör, aýagyna köwşüni sokdyraýsaň bolmaýarmy?*

**SOKDURMAK** [so:kdurmok], *işl., ser.* **Sogdurmak I**. *Köşejigiň sokduryp bozlaýan näzik sesi gulaga gelýärdi* (A. Gowşudow).

**SOKGA** [sokgo]**: sokga sormak 1)** zat goýman birden içmek, içip gutarmak. *Sygyr bir bedre suwy sokga sordy.* **2)** derrew, çalt, tiz ýere siňip gitmek (suw hakda). *Toprak suwy sokga sordy.*

**SOKJABERMEK** [sokja:vermek], *işl.* Yzygiderli sokjap emibermek.*Gölejik boşadylanyna mähetdel enesini ysgaşdyrdy-da, işdämenlik bilen sokjaberdi.*

**SOKJALABERMEK** [sokjola:vermek], *işl.* Çalt-çalt sorup-sorup emibermek; dowamly sokjamak.

**SOKJALAMA** [sokjolomo], *iş ady.* Sokjalamak ýagdaýy.

**SOKJALAMAK** [sokjolomok], *işl.* Yzygiderli sokjap emmek.

**SOKJALAMAKLYK** [sokjolomokluk], *iş ady.* Sokjalamak ýagdaýy.

**SOKJALAŞMAK** [sokjoloşmok], *işl.* Birden artyk bolup sokjalamak, köp bolup sokjalamak.

**SOKJALATMAK** [sokjolotmok], *işl.* Sokjalap emer ýaly etmek, sokjalap durmagyna ýol bermek.

**SOKJALAÝYŞ** [sokjoloýuş], *iş ady.* Sokjalamak ýagdaýy.

**SOKJAMA** [sokjomo], *iş ady.* Sokjamak ýagdaýy.

**SOKJAMAK** [sokjomok], *işl.* Çekeläp emmek. *Köşek düýäň dört emjegindäki el degmedik bol süýtden sorup, sokjap başlady* (B. Kerbabaýew).

**SOKJAMAZLYK** [sokjomozluk], *iş ady.* Sokjap emmezlik.

**SOKJARMA** [sokjormo], *iş ady.* Sokjarmak ýagdaýy.

**SOKJARMAK** [sokjormok], *işl.* Ýerliksiz ýere sokulyp barmak, her bir zadyň arasyna goşulmak, suwumsyz bolmak. *Jik-jik edip jikjerme, her bir ýere sokjarma* (Halk döredijiliginden).

**SOKJARMAKLYK** [sokjormokluk], *iş ady.* Sokjarmak ýagdaýy.

**SOKJARMAZLYK** [sokjormozluk], *iş ady.* Sokjaryp durmazlyk, ýerliksiz ýere sokulmazlyk, her bir zadyň arasyna goşulmazlyk.

**SOKJARYBERMEK** [sokjoruvermek], *işl.* Sokjaryp başlamak.

**SOKJARYLMAK** [sokjorulmok], *işl., ser.* **Sokjarmak**.

**SOKJARYŞ** [sokjoruş], *iş ady.* Sokjarmak ýagdaýy.

**SOKJARYŞMAK** [sokjoruşmok], *işl.* Birnäçe adam bolup sokjarmak. *Olar sokjaryşyp, öňe çykdylar.*

**SOKJAŞMAK** [sokjoşmok], *işl.* Bilelikde sokjamak. *Onuň gözi enelerini işdämenlik bilen sokjaşyp duran owlajyklara düşdi.*

**SOKJATMAK** [sokjotmok], *işl.* Sokjamagyna ýol bermek, emdirmek. *Enesi owlajygyny sokjatdy.*

**SOKJAÝYŞ** [sokjoýuş], *iş ady.* Sokjamak ýagdaýy.

**SOKMA** [sokmo] **I**, *iş ady.* **1**. Sokmak ýagdaýy. **2**. *at.* Gabsalaryň, derwezeleriň içinden sokulyp ýapylýan enjam. *Gapynyň sokmasyny süýşürdiňizmi?*

**SOKMA** [sokmo] **II**, *at.* Gämini yklatmazlyk üçin hyzmat edýän syryk.

**SOKMAK** [sokmok] **I**, *işl.* **1**. Bir zady ikinji bir ýere girizmek, salmak. **2**. Teniň bir ýerinden çakyp, zäherini goýbermek (möý hakynda). *Ony möý sokupdyr.* **3**. *gepl.d.* Aýakgap ýa-da eşik geýmek. *Ol sessiz-üýnsüz turup, çokaýyny aýagyna gowaldan sokup, daşaryk çykdy* (A. Durdyýew). **4**. Aldap ýaramaz harydyňy satmak, ýelmemek.

**SOKMAK** [sokmok] **II**, *at, gepl.d.* Uly ýoldan gapdala sowulýan ýoljagaz, ýoda, ýodajyk.

**SOKMAKLYK** [sokmokluk], *iş ady.* Sokmak ýagdaýy.

**SOKMAZLYK** [sokmozluk], *iş ady.* . Sokmak işini etmezlik.

**SOKUBERMEK** [sokuvermek], *işl.* Bir zady başga bir zadyň içine girizibermek, salybermek.

**SOKUDAŞ** [sokuda:ş], *at.* Sokynyň içine salnan zatlary owratmak, döwmek üçin ujy tommaýly süýri daş.

◊ **Sokudaş ýaly bolup oturmak** oturan ýerinden turman oturmak, turup gitmezlik (biriniň turup gitmegi islenen ýagdaýda aýdylýar). *Gidärmikä diýdik weli, asyl giderli däl, gymyldaman, edil sokudaş ýaly bolup otyr.*

**SOKULMAK** [sokulmok], *işl.* **1**. Bir zadyň içine girizilmek, salynmak. *Deşige agaç sokulypdyr.* **2**. Bir ýere sanjylmak, dürtülmek. **3**. Aýakgap ýa-da eşik geýilmek. **4**. Bolgusyz ýere sokulyp barmak, goşulmasyz zada goşulmak, islenmeýän ýeriňe girmek. **5**. Golaý barmak, golaý oturmak, golaý durmak. *Beýdip sokulyp oturma-da, yzrak süýş.*

◊ **Öýe sokulyp oturmak** öýden çykman oturmak. *Haçan görseň, öýe sokulyp oturandyr, adam diýeniň daşarygam çykmaly bolar-a.*

**SOKULYK** [sokuluk], *syp.* Soky etmek üçin niýetlenen (ýogyn, gysga agaç). *Bu töwerekde sokulyk söwüdem-ä ýok* (A. Gowşudow).

◊ **Sokulyk agaç ýaly** ýogyndan gelen gysgajyk, keltejik.*Munuň ýanynda bolsa sokulyk kesilen agaç ýaly bir aýal bar* (A. Durdyýew).

**SOKUR**, *syp.* Göz almasy, göz mäzi aýrylan. *Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar* (Nakyl).

**SOKURLYK** [sokurluk], *at.* Sokur körlük. *Sokurlyk körlükden hem başga, adamyň gelşigini gaçyrýar.*

**SOKUŞ**, *iş ady.* Sokmak ýagdaýy.

**SOKUŞDYRMAK** [sokuşdurmok], *işl.* Çem gelen ýere sokmak, sokup çykmak.

**SOKUŞMAK** [sokuşmok], *işl.* Sokmaga kömek etmek.

**SOKY**,*at.* Içinde galla we ş.m. zat owradar, döwer ýaly içi köwlüp aýrylan, köplenç, agaçdan,demirden, misden ýasalan hojalyk enjamy. *Onuň içinde hem ýogyn söwütden ýasalan ullakan soky oturdypdyr* (A. Gowşudow). *Elek diläp, soky diläp, Iş-pişeden sypyndygy, Mamyşlara baran bordy* (K. Gurbannepesow).

◊ **Soka salnan ýaly bolmak** endam-janyň kül-uşak bolup agyrmak, myňçgalanan ýaly bolmak. *Bütin endamym soka salnyp ýenjilen ýalydy* (B. Seýtäkow).

**SOL** [so:l],*at.* Sagyň garşy tarapy, çep. *Ýüz ýaşaýyp düşseň ajal eline, Sagyndan soluňa bakança bolmaz* (Magtymguly).

**SOL**[so:l], *sazç.*"Do" bilen başlanýan saz gammasynda bäşinji ses we şol sesi aňladýan nota belgisi.

**SOLAGAN** [soloğon], *syp.* **1**. Reňki tiz solýan, tiz öçýän. *Solagan mata.* **2**. Gyzgyn howanyň täsiri bilen basym terligini ýitirýän, sülleregen. *Solagan gül. Solagan ýaprak.*

**SOLAGRAK** [soloğra:k], *syp.* Adatdakydan az-kem reňki öçügräk. *Reňki solagrak mata.*

**SOLAK** [solok], *syp.* **2**. Öçük reňkli, açyk reňkli däl. *Daşyna solak, gyzyl gülli çit çekilen galyň kitap ellerine sallam berip dur* (N. Saryhanow).

**SOLAŇKYRLAMAK** [soloňkurlomok], *işl.* Reňki gitmäge, öçmäge, süllermäge golaýlamak.

**SOLAŇLAMAK** [soloňlomok], *işl., ser.* **Solaňkyrlamak**.

**SOLDURMAK** [sollurmok], *işl.* **1**. Reňki solar ýaly etmek. *Gurjak diýdi: – Göz ýaşy Köýnegimi soldurar* (A. Kowusow). **2**. Terligini gaçyrmak, süllertmek, guratmak (ösümlik, gök-önüm hakynda).

**SOLDURMAZLYK** [sollurmozluk], *iş ady.* Reňkini soldurmazlyk, horlamazlyk.

**SOLGUN** [solğun], *syp.* Öçügsi görünýän, soluk, öçügsi. *Solgun mata. Ýüzi solgun.*

**SOLGUNLYK** [solğunluk], *at.* Reňki öçügsilik, öçük reňklilik, solaklyk. *Howply bir zat ýadyna gelen ýaly, ýüzünde solgunlyk göründi* (B. Kerbabaýew).

**SOLGUNRAK** [solğunura:k], *syp.* Reňki öçügsiräk.

**SOLMA** [solmo], *iş ady.* Solmak ýagdaýy. *Sapagyndan ýolnan gül derrew solma bilen boluberýär.*

**SOLMAK** [solmok], *işl.* **1**. Reňki gitmek, reňki öçmek. *Şol matanyň solýandygyny ýa-da solmaýandygyny barlap görmek gerek.* **2**. Terligi gaçmak, süllermek, gurap gitmek (ösümlik, gök-önüm hakynda). *Ýaş agaçlaryň ýapraklary heniz solman, ýaşyl öwüsýärdi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Reňki öçmek, reňki saralmak, gaýgyly görünmek, horlanmak. *Her kim garyp, karzdar bolsa, Dert çekip, solana meňzär* (Zynhary).

◊ **Ýüzi solmak** *ser.* **Ýüz**. *Kakasy ýaramaly bäri onuň ýüzi solaýypdyr.*

**SOLMAKLYK** [solmokluk], *iş ady.* Solmak ýagdaýy.

**SOLMAZLYK** [solmozluk], *iş ady.* Reňki gitmezlik, reňki öçmezlik, terligi gaçmazlyk, süllermezlik, gurap gitmezlik.

**SOLTAN** [solta:n], *at, taryh.* **1**. Ýokary häkimdar, şeýle hem şol baştutanlyga eýe bolan şahs. *Atasynyň bu sözüni kabul edip, Adybeg ýurda soltan boldy* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Her bir zadyň iň oňady, seresi, gowusy. *Ähli pasyllaň soltany, Bahar geldi, bahar geldi* (A. Kowusow). **3**. Adam ady.

**SOLTANLYK** [solta:nlyk], *at.* **1**. Soltanyň derejesi, ýagdaýy, käri. **2**. *taryh.* Başynda soltan duryan ýurt. *Deli türkmenleriniň soltanlygy.*

**SOLUBERMEK** [soluvermek], *işl.* **1**. Dura-bara reňki öçübermek. **2**. Terligi gaçybermek, sülleribermek (ösümlik, gök önüm hakynda).

**SOLUGRAK** [soluğura:k], *syp.* Reňki öçügsi görünýän, ýagty däl. *Solugrak reňk ony gamgyn görkezýär.*

**SOLUGYŞ** [soluğuş], *iş ady.* Solukmak ýagdaýy.

**SOLUGYŞMAK** [soluğuşmok], *işl.* Kem-kemden solup başlamak, ýuwaş-ýuwaşdan solmak. *Mülki öňe ýörese-de, onuň ýüregi reňki solugyşan gapynyň aňyrsynda galdy* ("Edebiýat we sungat").

**SOLUK,** *syp., ser.* **Solgun**. **3**. *göç.m.* Ýarawsyzlyk we ş.m. sebäplere görä, ýüzüniň reňki öçuk, solgun, saralan. *Ýüzüň-ä gaty soluk görünýär* ("Edebiýat we sungat").

**SOLUKDYRMAK** [solukdurmok]; *işl.* Reňkini kem-kemden soldurmak.

**SOLUKLYK** [solukluk], *at, ser.* Soluk görnüşli bolmaklyk, solgunlyk.

**SOLUKMA** [solukmo], *iş ady.* Solukmak ýagdaýy.

**SOLUKMAK** [solukmok], *işl.* Reňki kem-kemden öçmek, solup başlamak. *Onuň gözel keşbi barha solugýan ýaly, tebigy dabarasy barha egsilýän ýaly duýulýardy* (G. Kulyýew).

**SOLUKMAKLYK** [solukmokluk], *iş ady.* Solukmak ýagdaýy.

**SOLUŞ,** *iş ady.* Solmak ýagdaýy.

**SOLUŞMAK** [soluşmok], *işl.* **1**. Solmaga ýakynlamak, solaňkyrlamak, solaňlamak, solup barmak, reňki öçüşmek. *Gülli ýaglygy solşupdyr.* **2**. Terligi gaçyşmak, süllerişmek (ösümlik hakynda).

**SOM** [so:m], *syp., kön.s.* Tutuş. *Agyr hylgat, müň tümenden şaýlaryn, Seniň süňňüň som gyzyldan eýlärin* (Şabende). *Eje, eger gyzlaryny som gyzyla çümdürip, iner ýüki şaý-sepi bilen berseler hem sen olara barma* (A. Gowşudow).

◊ **Som kümüş bolup durmak** köp sanly kümüş şaý-seplerini dakynmak. *Üsti-başy som kümüş bolup duran gelin dähedem-dessemläp ýöräp barýardy.*

**SOMALAK** [somolok], *syp.* Dim-dik bolup somalyp duran, somalyp görünýän. *Bä, ol somalak zatlar nämekä?* (B. Kerbabaýew).

**SOMALMA** [somolmo], *iş ady.* Somalmak ýagdaýy.

**SOMALMAK** [somolmok], *işl.* **1**. Dik durmak, dikelip durmak. dim-dik bolup durmak, sömelmek. *Soňra iç işikde somalyp duran ýaş ýigide çaý getirmegi tabşyrdy* (G. Kulyýew). **2**. Çykyp durmak. *Garaňkynyň içinde çatmanyň böwründe somalyp duran zadyň nämedigini saýgarmady.*

**SOMALMAZLYK** [somolmozluk], *iş ady.* **1**. Dik durmazlyk, dikelip durmazlyk, dim-dik bolup durmazlyk, sömelmezlik. *Ýoldaşlarynyň öňünde somalmaz ýaly, öz işiňi wagtynda ýerine ýetirmeli.* **2**. Çykyp durmazlyk.

**SOMALTMAK** [somoltmok], *işl.* Dim-dik edip, dikeldip goýmak, sömeltmek. *Bir burçda hasasyny somaldyp, bir aksakgal otyrdy* (A. Gowşudow).

**SOMALYBERMEK** [somoluvermek], *işl.* Dim-dik bolup durubermek, sömelibermek. *Näme birden somalyberdiň-le, hany aşak otur .*

**SOMALYŞ** [somoluş], *iş ady.* Somalmak ýagdaýy.

**SOMALYŞMAK** [somoluşmok], *işl.* Birnäçe adam ýa-da birden köp taýak, tagta bölegi we ş.m. süýri zatlar somalmak. *Somalyşyp durmaň, işli-işiňiz bilen boluň.*

**SOMLABERMEK** [so:mla:vermek], *işl.* Somlap baslamak. *Zadyň bolany bilenem, ony somlabermek gelşikli zat däl.*

**SOMLAMA** [so:mlomo], *iş ady.* Somlamak ýagdaýy.

**SOMLAMAK** [so:mlomok], *işl.* Eliňdäki zady "ine, gör" diýen manyda öňe tarap uzatmak, hödürlemek.

**SOMLAMAKLYK** [so:mlomokluk], *iş ady.* Somlamak ýagdaýy.

**SOMLAŞMAK** [so:mloşmok], *işl.* Bilelikde somlamak, birnäçe bolup somlamak. *Oglanlar ellerindäki taýaklaryny somlaşyp durdular.*

**SOMLATMAK** [so:mlotmok], *işl.* Somlamaga mümkinçilik bermek; somlap durmaga mejbur etmek. *Olara ellerindäki taýaklaryny somladyp durma-da,*

*kow ýanyňdan. Elimdäki zatlary somladyp goýaýdyňla, gaçyrmankam elimden alsana.*

**SOMLAÝYŞ** [so:mloýuş], *iş ady.* Somlamak ýagdaýy.

**SOMSA** [somso], *at.* Içine üwelen et, sogan we ş.m. hurş salnyp bişirilýän gutap. *Düýn ejem tamdyrda somsa bişirdi* (B. Seýtäkow).

**SOM-SAÝAK** [so:m-saýak], *hal.* Ibirtde-zibirt, biri-biriniň yzyndan pyýada, ulagly we ş.m. gitme. *Gün gijikdi, bazarçylar som-saýak gaýdyşýarlar* (H. Derýaýew).

**SONA** [sono], *at.* **1**. Mäkiýan ördek. *Ýaşylbaş sonalar, gazlar garkyldar, Haly harap düşer, köli bolmasa* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Aýal-gyzlara ýüzlenilip aýdylýan hoşamaý söz. **3**. Gyza dakylýan at.

**SONAR** [sonor], *at.* **1**. Ülpüllap oturan bol gök ot. **2**. Gök otuň köp ýeri, otly ýer, otluk meýdan.

◊ **Sonaryňy iýdirmek** iň gowy iýmitler berip, hezzet-hormat etmek. *Oňa sonarymy iýdirendirin, o zatlaryň gadyr-gymmaty bolarmyka?*

**SONARLABERMEK** [sonorla:vermek], *işl.* Sonarlykda ýerde, otluk-suwluk ýerde otlap ýörmek, sonarlap ugramak.

**SONARLAMA** [sonorlomo], *iş ady.* Sonarlamak ýagdaýy.

**SONARLAMAK** [sonorlomok], *işl.* Sonarlykda otlap ýörmek. *Olardan has aňyrda, obanyň çekenesi gök otlukda agyp-dönüp, sonarlap ýördi* ("Edebiýat we sungat").

**SONARLAMAKLYK** [sonorlomokluk], *iş ady.* Sonarlamak ýagdaýy.

**SONARLAŞMAK** [sonorloşmok], *işl.* Sonarlykda otlaşyp ýörmek. *Örüde sonarlaşyp ýören mallar.*

**SONARLATMAK** [sonorlotmok], *işl.* Sonar ýerde, otluk-suwluk ýerde otlatmak. *Şu ýyl mallary sonarlatmaga ilerik süreliň.*

**SONARLAÝYŞ** [sonorloýuş], *iş ady.* Sonarlamak ýagdaýy.

**SONARLYK** [sonorluk], *syp.* Giň otluk ýer. *Sonarlykdan eşidilýär çopanyň şat aýdymy* (B. Hudaýnazarow).

**SOŇ**, **1**. *at.* Bir zadyň gutarýan ýeri; ahyrky netijesi. *Filmiň soňy. Wakanyň soňy näme bilen gutardy?* **2**. *at.* Belli bir wagtyň, möwsümiň, paslyň we ş.m. ahyrky pursaty. *Gyşyň soňy.* **3**. *at.* Harçlanman, satylman, geçmän galan bölegi. *Çaýyň soňy dostuňky* (Aýtgy).*Pulumyň soňuny saňa bermeli boldum.* **4**. *hal*, *ser.* **Soňra**. *Bu zatlaryň gürrüňini soň ederis* (B. Seýtäkow).

◊ **Soňuna çykmak 1)** ahyryna ýetmek. *Üzüm ekilen ýer giden meýdan eken, ýöräp soňuna çykar ýaly däl.* **2)** edip gutarmak, ýerine ýetirmek. *Tabşyrylan iş şeýle bir köp, soňuna çykyp bolarmyka diýdirýär.* **3)** ýok etmek, aradan aýyrmak. *Yza galaklygyň soňuna çykmak.* **Soňuna sogan ekmek** bir zadyň hemmesini ýok etmek, gutarmak. **Soňuny görüp gelen ýok** bir zadyň soňunyň nähili bolup gutarjagy belli däl. **Soňuny saýmazlyk** soňunyň näme boljagyna seretmän, töwekgellik bilen bir iş etmek, näme bolsa, şol bolsun etmek. **Soňy gelmezlik** tamamlanmazlyk, soňky netijesi belli bolmazlyk. *Ol işiň soňy gelmedi-le?*

**SOŇABAKA** [soňovaka:], köm.s. Soňky wagtlarda, soň-soňlar, ahyrynda, durdugyça. *Soňabaka ýumruk ötmäge başlady* ("Görogly").

**SOŇALDYSYNDA** [soňallysynna], *hal.* Belli bir wagtyň soňragynda, soňunda. *Tomsuň soňaldysynda ol dynç almaga gitdi.*

**SOŇKUSYGÜN** [soňkusuğün], *hal.* Birigünüň soň ýanyndaky gün. *Oýun birigün hem, soňkusygün hem bolmaly.*

**SOŇKY**, *hal.* Ahyrky. *Soňky ýagan ýagyş.*

◊ **Soňky wagtlar** soňky döwürde. *Soňky wagtlar oňa ýolda-yzda-da duş gelemok.* **Soňky ýoluna ugratmak** merhumy jaýlamak, baka ýollamak.

**SOŇLABERMEK** [soňla:vermek], *işl.* Bir işi ahyryna çenli alyp barybermek, gutarybermek, tamamlabermek. *Indi-hä soňlaberensiň-le ol kitaby.*

**SOŇLAMA** [soňlomo], **1**. *iş ady.* Soňlamak ýagdaýy. **2**. *at, gepl.d.* Çeper eseriň pikiriniň, esasan jemlenýän ýeri. *Ol kitabyň soňlamasy gaty tolgundyryjy eken.*

**SOŇLAMAK** [soňlomok], *işl.* Bir işi ahyryna çenli alyp barmak, gutarmak, tamamlamak (köplenç, söz, gep, gürrüň hakynda). *Ol sözüni soňlady.*

**SOŇLAMAKLYK** [soňlomokluk], *iş ady.* Soňlamak ýagdaýy.

**SOŇLAMAZLYK** [soňlomozluk], *iş ady.* Bir işi ahyryna çenli alyp barmazlyk, gutarmazlyk, tamamlamazlyk.

**SOŇLANMAK** [soňlonmok], *işl.* Ahyryna çenli alyp barylmak, gutarylmak, tamamlanmak. *Artyp onuň şöhraty, Ähli ilde ýaňlandy, Ertekimiz soňlandy* (M. Seýidow).

**SONLAŞMAK** [soňloşmok], *işl.* Biri bilen bilelikde işi, etmeli zady soňa goýmak. *Soňlaşyp durmaly-da, işiň galan bölegini hem edip bolaýaly.*

**SONLATMAK** [soňlotmok], *işl.* Bir işi ahyryna çenli alyp bardyrmak, gutartmak, tamamlatmak.

**SOŇLAÝYŞ** [soňloýuş], *iş ady.* Soňlamak ýagdaýy.

**SOŇRA** [soňro], *hal.* Birnäçe wagt geçenden soň, bir iş bolup gutaransoň, soňunda.

**SOŇRAKY** [soňroky], *syp.* Soň bolup geçýän, soň bolýan ýa-da boljak, soňky. *Soňraky edilmeli işleriň aladasyny etmek.*

**SOŇ-SOŇLAR** [soň-soňlor], *hal.* Hazirki wagtdan köp ýa-da birnäçe wagt geçen soňky wagtlar. *Muny biz soň-soňlar bilip galdyk* (B. Gulow).

**SOŇSUZ**, *hal.* Soňy bolmadyk, tükeniksiz, çäksiz, gutarnyksyz, yzy üzülmeýän. *Aýsoltan ejesiniň soňsuz mysallaryna takaty ýetmän, onuň sözüni ýene kesdi* (B. Kerbabaýew).

**SOŇUNDAN** [soňunnon], *hal.* Bolup duran wakanyň yz ýanynda, soňra. *Sen onuň bilen sanaşyp durma, sebäbini soňundan aýdaryn.*

**SOŇUSYRA** [soňusy:ra], köm.s. Bir waka, bir iş bolup geçen badyna, yzysüre.

**SOŇUSYRASYNDA** [soňusy:rasynna], hal. Soň ýanynda. *Gyşyň soňusyrasynda.*

**SOPBAÇ** [sopboç], *at.* Depesi süýnmek demir başgap. *Nökerler demir sopbaçlaryny ýaldyradyp, naýzalaryny söweşe taýýarlap, oba baka at goýdular* (T. Taganow).

**SOPBAŞ**,*syp.* **1**. Ýeke özi, ýeke, ýalňyz, bir özi. *Ol diňe özüniň sopbaş ýetimligini bilýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Ýatylanda geýilýän telpek, ýatyş telpek.

**SOP-SOWUK,** *syp.* **1.** Has sowuk, örän sowuk. *Daşary sop-sowukdy.* **2**. *göç.m.* Parhsyz, göwünsiz, mähirsiz.

**SOPUÇYLYK** [so:puçuluk], *at.* **1**. *ser.* **Sopulyk**. **2**. Yslam dini ýaýran ýurtlarda VIII asyrda dörän we ahlak kadalaryny dogry berjaý etmek, ruhuňy päklemek ýaly pikirleri öňe süren ugur, sufizm. *Hoja Ahmet Ýasawy sopuçylyk ideýalaryny ýokary derejä ýetiren şahsyýetdir.*

**SOPULYK** [so:puluk], *at.* Sopynyň ýagdaýy. *Sopulyk etjek, Soň Mekgä gitjek* (R. Seýidow).

**SOPUSYRAMAK** [so:pusuromok], *işl.* Sopy bolan bolmak, sopa mahsus häsiýetleri görkezmäge çalyşmak.

**SOPY** [so:py], *at.* **1**. Işana, ahuna, pire dini taýdan gol beren adam. **2**. Oglana dakylýan at

**SORABERMEK** [so:ra:vermek], *işl.* Bir zady bilmek, anyklamak üçin sorap başlamak.

**SORAG** [so:roğ], *at.* **1**. Jogap, düşündiriş talap edilip berilýän sowal. **2**. *dil b.* Soragy aňladýan, soragy bildirýän düşünje. *Sorag sözlemi. Sorag çalyşmasy. Sorag belgisi.*

◊ **Sorag etmek** bir zadyň anygyna ýetmek üçin yzygiderli sorag bermek, jogapçydan soraşdyrmak..

**SORAGÇY** [so:roğçy], *at.* Bir zadyň anygyna ýetmek üçin sorag berýän adam, sülçi. *Ýeri, seni soragçy goýdularmy, diýip, ol ýöwselläp ugrady* (A. Durdyýew).

**SORAG-IDEG** [so:roğ-i:değ], *at.* Birini ýa-da bir zady soraşdyryp aňtama, habar tutma, ideme. *Şekeriň başyna nähili iş düşdi diýip, gören-bilenden sorag-ideg etmelimi?* (B. Kerbabaýew).

**SORAG-JOGAP** [so:roğ-joğa:p], *at.* Bir zady anyklamak üçin berilýän sorag we alynýan jogap.

**SORAGLABERMEK** [so:roğla:vermek], *işl.* Soraşdyryp agtarybermek, sorag-ideg edip gözläbermek.

**SORAGLAMA** [so:roğlomo], *iş ady.* Soraglamak ýagdaýy.

**SORAGLAMAK** [so:roğlomok], *işl.* Soraşdyryp agtarmak, sorag-ideg edip gözlemek, sorag salmak. *Günde biri gelýär seni soraglap* (A. Kekilow).

**SORAGLY** [so:roğly], *syp.* Soragy, şübhesi bar bolan. *Ol soragly garaýyş bilen seretdi.*

**SORAGNAMA** [so:roğna:ma], *at.* Ýüzüne soraglar ýazylan kagyz.

**SORAGSYZ** [so:roğsuz], *syp.* **1**. Soragy ýok, sorag edilmeýän, jogap soralmaýan, anygyna ýetilmeýän. *Ýaşuly: "Elimden gelýär diýip, edeniňi edibermeli däldir, hudaýýň ýanynda soragsyz zat ýokdur" diýdi.*

**SORAGSYZ-IDEGSIZ** [so:roğsuz-i:değsiz], *syp.* Soraman-idemän. *Bular ýaly zatlary soragsyz-idegsiz goýup bolmaz.*

**SORALMAK** [so:rolmok], *işl.* **1**. Bir zady bilmek, anyklamak üçin sorag berilmek. *Dogry, menden soralanda, men hem siziň pikiriňizi gaýtaladym* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir zat haýyş edilmek. *Ýagmyr agadan rugsat sorap, Tarhanyň yzyna düşdi* (G. Kulyýew). **3**. Satlyga çykarylan mal, haryt belli bir nyrhdan dilenmek. *Sygryň soralýan ýeri öňki çen-çakymdan pesräk ýaly.*

**SORAMA** [so:romo], *iş ady.* Soramak ýagdaýy.

**SORAMAK** [so:romok], *işl.* **1**. Bir zady bilmek, anyklamak üçin sowal bermek, sorag bilen ýüz tutmak. *Bilmeýän zadyňy bilýän adamdan soramak gerek.* **2**. Bir zady haýyş etmek . *Rugsat soramak.***3**. Hökümini ýöretmek, agalyk etmek. *Ýurdy sorap oturmak.* **4**. Satlyga çykarylan maly, zady dilemek. *Ol maşynyňy näçä sorady.*

**SORAMAKLYK** [so:romokluk], *iş ady.* Soramak ýagdaýy.

**SORAMAZLYK** [so:romozluk], *iş ady.* **1**. Sorag bermezlik. **2**. Haýyş etmezlik. **3**. Belli bir nyrhdan dilemezlik.

**SORANJAŇ** [so:ronjoň], *syp.* Sorag beregen, köp soraýan. *Oba adamlary soranjaň bolýar* (N. Saryhanow).

**SORANJAŇLYK** [so:ronjoňluk], *at.* Sorap köp zady biljek bolmaklyk. *Soňra ol: "Aý, soranjaňlyk hem bir gowy zat däl-de" diýip oýlandy* (Ö. Abdyllaýew).

**SORAP-IDEMEK** [so:ra:v-i:demek], *işl.* Soraşdyryp aňtamak, gözlemek. *Sorap-idäp, ahyry anygyna ýetdim.*

**SORAŞDYRMAK** [so:roşdurmok], *işl.* Bir zady birnäçe adamdan sorap çykmak ýa-da köp zat soramak. *Ol demini dürsänden soň, gören-eşiden zatlarymy ýaňadandan soraşdyrdy* (Ý. Mämmediýew).

**SORAŞMAK** [so:roşmok], *işl.* **1**. Birnäçe bolup, bilelikde soramak (*soramak* sözüniň **1**-nji, **2**-nji, **3**-nji, **4**-nji manylary boýunça). *Biz onuň durmuşy, iş ýagdaýy hakda soraşdyk. Hyrydarlar maşyny pylança soraşyp durdy.* **2**. Biri-birinden saglyk-amanlyk soramak. *Iki ýaşulynyň biri beýlekisine salam berdi. Salam berlen onuň salamyny alandan soň: "Soraşyň!" diýdi. Salam beren: "Sizdendir" diýip, onuň ýüzüne seretdi. Şeýlelik bilen olar kimiň ýaşynyň uludygyny, kimiňkiň kiçidigini anyklamaga girişdiler.*

**SORATMAK** [so:rotmok], *işl.* Bir zady bilmek, anyklamak üçin sowal berdirmek.

**SORAÝYŞ** [so:roýuş], *iş ady.* Soramak ýagdaýy.

**SORDURMAK** [so:rdurmok], *işl.* **1**. Dem arkaly içine çekdirmek. **2**. Süýdi sormak arkaly aldyrmak. *Çaga emzikden süýt sordurmak.* **3**. Suwuny sorujy nasos arkaly aýyrtmak. *Howzuň suwuny sordurmak.*

**SORGUÇ** [so:rğuç], *at.* Syýany özüne siňdirýän kagyz; basgyç. *Ýazyp oturan hatyna daman syýany sorguç bilen sordurdy.*

**SORK-SORK**, *s.ş.aňl.söz.* Çyban ýaly çykuwly ýara, diş we ş.m. sorkuldap gaty agyranda yzly-yzyna syzylýan, duýulýan azar, agyry.

◊ **Sork-sork etmek** *ser.* **Sorkuldamak**. *Çyban sork-sork edip agyrýardy.*

**SORKULDABERMEK** [sorkulla:vermek], *işl.* Sorkuldap agyryp başlamak, yzygiderli sorkuldamak. *Onuň kellesi birden sorkuldaberdi.*

**SORKULDAMA** [sorkullomo], *iş ady.* Sorkuldamak ýagdaýy.

**SORKULDAMAK** [sorkullomok], *işl.* **1**. Sork-sork edip agyrmak (ýara, kelle hakynda). **2**. *gepl.d.* Hüňürdäp oturmak.

**SORKULDAMAKLYK** [sorkullomokluk], *iş ady.* Sorkuldamak ýagdaýy.

**SORKULDAŞMAK** [sorkulloşmok], *işl.* Sorkuldyly agyrmak, sork-sork edip agyrmak (birnäçe ýara hakynda). *Ýaralarym sorkuldaşyp agyrýar.*

**SORKULDAÝYŞ** [sorkulloýuş], *iş ady.* Sorkuldamak ýagdaýy.

**SORKULDY** [sorkully], *at.* Yzaly ýiti agyry (ýara, baş we ş.m. hakynda). *Ýaramyň sorkuldysy ýüregime düşdi.*

**SORMA** [so:rmo], *iş ady.* Sormak ýagdaýy.

**SORMAK** [so:rmok] **I**, *işl.* **1**. Dem alyp, içiňe çekmek. *Bir-iki ýola işdämenlik bilen sordy-da, tüssesini bir gapdala üfledi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Dodaklary bilen emzigi gysyşdyryp içine çekmek (emýän çaga hakynda). **3**. Çekip özüne siňdirmek. *Suwuň kömegi bilen toprakdan azot, fosfor, kaliý hem başgalary sorup alýar* (A. Gowşudow).

**SORMAK** [so:rmok] **I**, *işl., ser.* **Soramak**. *Aryflar bar, başa baglap keçeler, Içgin-içgin sorsaň, many seçeler* (Magtymguly).

**SORMAKLYK** [so:rmokluk], *iş ady.* Sormak ýagdaýy.

**SORMAZLYK** [so:rmozluk], *iş ady.* Dem alyp, içine çekmezlik.

**SORTDURMA** [sortdurmo], *iş ady.* Sortdurmak ýagdaýy.

**SORT**, *at.* **1**.Bir zadyň hiliniň derejesini görkeziji. *Almanyň birinji sorty.* **2**. Miweleriň, gök we bakja önümleriniň görnüşi. *Gawunyň waharman sorty.*

**SORTDURMAK** [sortdurmok], *işl.* Gaharly ýa-da öýkeli görnüşde ýüzüňi sallamak, nägile görnüşde bolmak. *Ol gyzynyň ýüzüni sortduryp duranlygyny görüp, ...gaşlaryny gerdi* (G. Kulyýew).

**SORTDURMAKLYK** [sortdurmokluk], *iş ady.* Sortdurmak ýagdaýy.

**SORTDURYBERMEK** [sortduruvermek], *işl.* Öýkeli ýa-da nägile halda ýüzüňi sallap oturybermek.

**SORTDURYLMAK** [sortdurulmok], *işl.* Ýüzüňi sortduryp durmak, oturmak. *Näme beýle sortdurylyp dursuň?*

**SORTDURYŞ** [sortduruş], *iş ady.* Sortdurmak ýagdaýy.

**SORTDURYŞMAK** [sortduruşmok], *işl.* Birnäçe bolup sortdurmak. *Ýüzüňizi sortduryşyp oturmaň.*

**SORTLAMAK** [sortlomok], *işl.* **1**. Bir zady hiline görä toparlara bölmek. *Pomidorlary sortlap, gapyrjaklara salmak.* **2**. Saýlamak. *Ol tapanyny iýýänlerden däldir, her bir zady sortlap iýýändir.*

**SORTMA** [sortmo], *at.* Goýnuň bir duran ýerinden gymyldaman, biri-birine ýakynrak durmagy bilen ýüze çykýan kesel.

**SORUBERMEK** [so:ruvermek], *işl.* Bir zady içiňe, demiňe dartyp başlamak.

**SORUJY** [so:rujy], *at.* Howa arkaly sorup alyjy, demine çekiji. *Balyk sorujy turbany çalşyrmaklygy makul bildiler* (Ş. Borjakow).

**SORULMAK** [so:rulmok], *işl.* Bir zat demiňe çekilmek, demiňe dartylmak. *Ol ýer astyndan sorulyp alynýan suwdan emele gelýär* (B. Kerbabaýew).

**SORUŞ** [so:ruş], *iş ady.* Sormak ýagdaýy.

**SORUŞMAK** [so:ruşmok], *işl.* Bilelikde sormak.

**SOSIAL** [sosiýa:l], *syp.* Jemgyýetçilik; durmuşda we jemgyýetde adam gatnaşyklary bilen baglanyşykly. *Haýsydyr bir sosial, syýasy ýa-da ykdysady meseläni bir gezekde we hemişelik çözmek synanyşyklary diňe bulam-bujarlyga hem-de durnuksyzlyga getirýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**SOSIOLOG** [sosiýo:log], *at.* Sosiologiýadan hünärmen.

**SOSIOLOGIÝA** [sosiýo:logiýa], *at.* Jemgyýetiň tutuşlugyna we aýry-aýry sosial ulgamlaryny düzýän taraplarynyň ösüşiniň we hereket edişiniň kanunalaýyklyklary hakyndaky ylym.

**SOWA** [sowo], *hal.* Göni üstünden däl, gapdalyndan, golaýyndan, sowaşyk. *Ok sowa geçmek. Ýolumyz sowa düşensoň, habaryňy oňa ýetirip bilmedim.*

**SOWABERMEK** [sowa:vermek], *işl.* Sowap başlamak, sowap ugramak.

**SOWADYJY** [sowodujy], *at.* **1**. Ululy-kiçili sowadyjy enjam **2**. Tiz zaýalanýan önümleri sowuk ýerde saklamak üçin desga. **3**. Tiz zaýalanýan önümleri daşamak üçin sowadyjy enjamly awtomobil, beýleki ulag serişdeleri.

**SOWAJAN** [sowojon], *syp.* Puly köp sowýan, köp harçlaýan, sowagan. *Ol gaty sowajan, elinde pul duranok.*

**SOWAL** [sowa:l], *at, ser.* **Sorag**.

**SOWALGA** [sowolğo] **I**, *at.* Sowmak, harçlamak üçin pul, sowgut.

**SOWALGA** [sowolğo] **II**, *at.* **1**. Haýsy hem bolsa uly ýoldan bir tarapa sowlup gidýän ýol. *Ýol bilen gelýän maşyn sowalga sowuldy.* **2**. Möhreden 3-4 *m* ýokarda mesenäniň suw sowgudy (degirmende).

**SOWALGA** [sowolğo] **III**,*at.* Esasy meseleden sowulmak üçin delil, bahana. *Ol nähili-de bolsa bir sowalga tapyp, ejesini köşeşdirmelidi* (B. Kerbabaýew).

**SOWAL-JOGAP** [sowa:l-joğa:p], *at.* Garşylykly berilýän sorag we alynýan jogap. *Şol sowal-jogapdan*

*soň, göwne gelmez bir ýagdaý ýüze çykdy* (B. Kerbabaýew).

**SOWAMA** [sowomo], *iş ady.* Sowamak ýagdaýy.

**SOWAMAK** [sowomok], *işl.* **1**. Sowuk düşüp başlamak, howanyň gyzgynlyk derejesi aşak düşmek. *Noýabr aýynyň girmegi bilen howa hem birden gaty sowap başlady* (H. Ysmaýylow). **2**. Bir zadyň ýylylyk derejesi aşak düşmek. *Çaý bireýýäm sowapdyr.* **3**. *göç.m.* Bir zada bolan höwesiň gaçmak. **4**. Ara sowuklyk düşmek. *Ärden gitse ygtybarlar, Sowar ondan dosty-ýarlar* (Magtymguly).

**SOWAMAKLYK** [sowomokluk], *iş ady.* Sowamak ýagdaýy.

**SOWAŇKYRLAMAK** [sowoňkurlomok], *işl.* Bir zady sowup gutaryp barmak.

**SOWAŞMAK** [sowoşmok], *işl.* **1**. Kem-kemden sowamak, sowap başlamak. *Azat sowaşan çaýyny bir bada başyna çekdi* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Bir zada bolan höwesiň gaçyp başlamak, yhlassyz bolup başlamak. *Ol bu işden eýýäm sowaşyp gidipdi.* **3**. *göç.m.* Birneme ynjalmak, gaharyň gaçmak, rahatlanmak. *Aýgülüň gyjydyndan ýaňyjyk sowaşan Nurjahany ejesiniň hüjümi has-da basmarlady* (B. Kerbabaýew).

**SOWAŞYK** [sowoşuk], *syp.* Biri-birine gabat däl, gabatma-gabat, ugurma-ugur bolmadyk, sowa. *Ol penjireden biraz sowaşyk ýere geçip oturdy.*

◊ **Ýoluň sowaşyk düşmek** ýolda-yzda biri-biriňe gabat gelmezlik.

**SOWAT** [sowot] **I**, *at.* Okalyp alynýan bilim, okuw, ýazyp-okap bilmeklik. *Altyn gowy gyz, emma sowady azrak* (A. Durdyýew).

◊ **Sowadyny çykmak** okap, ýazyp bilmegi öwrenmek.

**SOWAT** [sowot] **II**, *at.* Şäht, keýp.

◊ **Sowady açylmak** şähdi açylmak, keýpi kökelmek. *Ol sowady açylyp, gyzykly gürrüňler edip ugrady.*

**SOWATDYRMAK** [sowotdurmok], *işl.* Sowuk hala getirtmek.

**SOWATLY** [sowotly], *syp.* Ýazmagy we okamagy öwrenen, ýazyp, okap bilýän, bilimli.

**SOWATLYLYK** [sowotluluk], *at.* Hatly-sowatly bolmaklyk, sowady barlyk, sowatsyz dällik, ýazyp, okap bilmeklik.

**SOWATMAK** [sowotmok], *işl.* **1**. Gyzgyn zady sowuk etmek, gyzgynlyk derejesini aşaklatmak. *Diýdi: – bagt toýy gutlanýan mahal, Sowatmaň nahary, käseler galsyn* (R. Seýidow).

◊ **Eliňi işden sowatmak** işlemek höwesiňi gaçyrmak(**El: eliňi işden sowamak**). *Şeýle ýagdaýdaka Watanyň – Iliň, Niçik bor sowatsaň işiňden eliň?* (A. Kekilow).

**SOWATSYZ** [sowossuz], *syp.* Okap, ýazyp bilmeýän, hat-sowady bolmadyk, bilimsiz. *Annaguly ýaly sowatsyzlary sowatly etmäge jan edýärdiler* (A. Durdyýew).

**SOWATSYZLYK** [sowossuzluk], *at.* Ýazyp-okap bilmezlik, hat-sowady ýokluk, hatly-sowatly dällik. *Özüniň sowatsyzlygyny ýok etmek üçin okaýar* (A. Durdyýew).

**SOWAÝYŞ** [sowoýuş], *iş ady.* Sowamak ýagdaýy.

**SOWDURMAK** [sowdurmok], *işl.* **1**. Bir zady harçlatmak, harçladyp gutarmak. **2**. Ugruny-ýoluny üýtgetdirmek.

**SOWGA** [sowğo]**: sowga almak** garşylamak, öňünden çykmak. *Geldi Ýusup, Ahmet – iki gardaşym, Sowga alyň, gyzlar, agam geledir* ("Ýusup – Ahmet").

**SOWGAT** [sowğot], *at.* Birine sylag-hormat üçin ýakyn-uzak ýerden getirilip berilýän zat, peşgeş.

**SOWGATLYK** [sowğotluk], *syp.* Sowgat üçin niýetlenen. *Sowgatlyk harytlar.*

**SOWGUÇ** [sowğuç], *at, fiz.* Bir güýji başga tarapa sowýan, başga ugra öwürýän. *Ýyldyrym sowguçlary uly öýlerde gurýarlar.*

**SOWGUT** [sowğut] **I**,*at, ser.* **Sowalga I, II 2**. *Beýle sowguda, harajada zat çydarmy?* ("Görogly").

**SOWGUT** [sowğut] **II**, *at.* Ene ýapdan bir gapdala bölünip aýrylýan, bölünip gidýän ýap. *Sowgudyň suwy pesdi.*

**SOWHOZ** [savho:z], *at, taryh.* TSSR-de iri döwlet oba hojalyk kärhanasy.

**SOWLUŞMAK** [sowluşmok], *işl.* **1**. Sowulmaga golaýlaşmak, tamam bolup barmak (iş, waka we ş.m. hakynda). *Olar gelende toý sowluşypdy.* **2**. Öňünden aýrylyşyp ýol bermek, iki tarapa çekilişmek.

**SOWMA** [sowmo] **I**, *iş ady.* Sowmak ýagdaýy.

**SOWMA** [sowmo] **II**, *at.* Sil suwuny belli bir ugra gönükdirmek üçin çekilýän ýap.

**SOWMAK** [sowmok], *işl.* **1**. Sürýän ulagyňy başga tarapa öwürmek, barýan ugruňy üýtgetmek. *Maşyny çepe sowdy.* **2**. Puly harçlap gutarmak. *Düşenje pullary sowdum.* **3**. Guralýan çäräni, toýy, sadakany we ş.m. geçirmek, geçirip bolmak, geçirip dynmak. *Toýy gowy sowduňyzmy?*

**SOWMAKLYK** [sowmokluk], *iş ady.* Sowmak ýagdaýy.

**SOWMAZLYK** [sowmozluk], *iş ady.* Sowmak işini, hereketini etmezlik. *Maşynyny sowman, göni gitdi. Pullary sowman sakladym. Entek toýy sowamok.*

**SOWRUBERMEK** [sowruvermek], *işl.* Sowrup ugramak; sowurmak işini dowam etdirmek. *Harmany elime çarşak alyp sowruberdim. Eliňe düşen puly ýerliksiz sowrubermek bolarmy?*

**SOWRULMAK** [sowrulmok], *işl.* **1**. Ýele berlip hapasy aýrylmak. **2**. *göç.m.* Biderek sowulmak, bisarpa tutulmak, tygşytsyz harçlanmak

**SOWRUŞ**,*iş ady.* Sowurmak ýagdaýy.

**SOWRUŞDYRMAK** [sowruşdurmok], *işl.* Hemmesini sowrup çykmak.

**SOWRUŞMAK** [sowruşmok], *işl.* **1**. Sowurmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde sowurmak. *Ikisi iki ýerden bugdaýyň jaryny sowruşyp durdylar.*

**SOWSANY** [sowsony], *at, dokm.* Erşi başaşa gyzyl we gara sapak bilen ýüwürdilýän, argajy iki gyzyl we iki gara sapagy gezekleşdirip kakma arkaly dokalýan köýneklik mata.

**SOWUBERMEK** [sowuvermek], *işl.* Sowup ugramak, sowmagy dowam etdirmek, dowamly

sowmak. *Pullary gerek wagty sowuber. Maşyn süreňde öňüňden çarkandak çyksa, ýoluň tekizräk ýerine sowuber.*

**SOWUK,** *syp.* **1**.*at.*Howanyň pes temperaturasy. *Sowukdan ýaňa titremek.* **2**. *at.*Pes temperaturaly howa. *Sowukda işlemek. Sowuga çydamly adam.* **3**. *syp*. Pes ýa-da ortaça pes gyzgynlykdaky. *Sowuk çaý. Sowuk suw. Sowuk çorba.* **4**. *syp., göç.m.* Parhsyz, perwaýsyz, mähirsiz, yhlassyz. *Ol bagşy bilen sowuk salamlaşdy* ("Edebiýat we sungat"). *Sowuk garaýyş*.

◊ **Sowuga daňlyp durmak** sowukda üşäp durmak. *Näme, sowuga daňlyp dursuň, öýe girseň bolmaýarmy?* **Sowuk urmak 1)** howanyň gaty sowamagy sebäpli ösümlikleriň, ekinleriň ösüşi kesilmek. *Ýapraklary sowuk urupdyr.* **2)** üşäp dümewlemek, nähoşlamak, sowuklamak. *Ony sowuk urupdy.* **Sowuk uruş** döwletler arasyndaky ikitaraplaýyn duşmançylykly, barlyşyksyz syýasat. **Sowuk ýarag** garpyşma söweşlerde ulanylýan kesýän, çapýan, sünjülýän ýarag. **Sowuk dem almak** hasrat çekmek. **Sowuk uran palaç ýaly** ysgynsyz, sagdynlygy giden.

**SOWUKGANLY** [sowukga:nly], *syp.* Giň göwrümli, parasatly, gyssanmaýan, howlukmaýan. *Sowukganly bolup, ýüregiňi ýerinde saklamak gerek* ("Görogly").

**SOWUKGANLYLYK** [sowukga:nlylyk], *at.* Giň göwrümlilik, parasatlylyk.

**SOWUKLAMA** [sowuklomo], **1**. *iş ady.* Sowuklamak ýagdaýy. **2**. *at.* Sowuk degmegi sebäpli ýüze çykýan näsaglama ýoňy. *Lukman oňa sowuklamaň dermanyny berdi.*

**SOWUKLAMAK** [sowuklomok], *işl.* Sowuk degip näsaglamak, nähoşlamak. *Bir sagat daşarda oturyp, mazalyja sowuklapdyryn.*

**SOWUKLAMAKLYK** [sowuklomokluk], *iş ady.* Sowuklamak ýagdaýy.

**SOWUKLAMAZLYK** [sowuklomozluk], *iş ady.* Sowuk urmagy sebäpli näsaglamazlyk.

**SOWUKLATMAK** [sowuklotmok], *işl.* Sowuklap näsaglamak derejesine ýetirmek, sowuklamagyna ýol bermek. *Habardar bol, suw ýaly çagany sowukladarsyň.*

**SOWUKLAÝYŞ** [sowukloýus], *iş ady.* Sowuklamak ýagdaýy.

**SOWUKLYK** [sowukluk], *at.* **1**. Sowuk howa, sowuk bolmaklyk (*ser.* **Sowuk 1**). *Howanyň sowuklygy meýdan işlerinde işleýänlere her hili kynçylyklar döredýärdi.* **2**. *göç.m.* Perwaýsyzlyk, parhsyzlyk, mähirsizlik, yhlassyzlyk. *Onuň sowuklyk bilen ýylgyryşy myhmana ýaramady.***3**. *göç.m.* Adamlar arasyna düşýän öýke-kine, göwün galma. *Ara az-kem sowuklyk düşdi, Ondan soň köp wagt geçdi* (Ç. Aşyrow).

◊ **Sowuklyk etmek** bolmalysyndan birneme sowuk bolmak. *Ýenjilýän demir birneme sowuklyk edýärdi.*

**SOWUK-SALA** [sowuk-sala:], *syp.* Gyzyklanman, perwaýsyz, parhsyz. *Işe sowuk-sala çemeleşmek bolmaz.*

**SOWUK-SALALYK** [sowuk-sala:lyk], *at.* Sowuk-sala halda bolmaklyk, perwaýsyzlyk, parhsyzlyk.

**SOWULMAK** [sowulmok], *işl.***1**. Sürulýän ulag başga tarapa öwrülmek, barylýan ugur üýtgedilmek. *Maşyn saga sowuldy.***2**. Pullar harçlanyp gutarylmak. *Pullaryň hemmesi sowlupdyr.* **3**. Guralýan çäre, toý, sadaka we ş.m. geçirilmek, geçirilip dynylmak. *Toý sowuldy.*

◊ **Howul bela, howul bela! Üstümizden sowul, bela!** köplenç, gara tüweleý gelende aýallar tarapyndan aýdylýan aňlatma.

**SOWULMAZLYK** [sowulmozluk], *iş ady.* Ýoluňy-ugruňy üýtgetmezlik. *Şu ýol bilen hiç tarapa sowulman gidiber.*

**SOWUNMAK** [sowunmok], *işl.* Özüň üçin sowmak, özüňe harçlamak.

**SOWURGYN** [sowurğun], *at.* Güýçli aýazly şemal, ýel, syrgyn. *Köwsarlap urýan sowurgyn ussanyň ýüzüni ýalaýardy* (B. Kerbabaýew).

**SOWUP-SOWURTLAMAK** [sowup-sowurtlomok], *işl., gepl.d.* Biderek sowmak. *Kakaň gazanan pullaryny sowup-sowurtlap ýörme!*

**SOWURMA** [sowurmo], *iş ady.* Sowurmak ýagdaýy.

**SOWURMAK** [sowurmok], *işl.***1**. Ýeliň ygyna berip hapadan arassalamak (galla we ş. m. hakynda). *Bugdaý sowurmak.* **2**. Ownuk, külke zatlary ýaýraň halda sepmek. *Bir gysym gum alyp, onuň üstüne sowurdy.* **3**. *göç.m.* Puly dereksiz sowmak, biderek harçlamak. *Gazanjyňy saga-sola sowurmak.*

**SOWURMAKLYK** [sowurmokluk], *iş ady.* Sowurmak işi.

**SOWURMAZLYK** [sowurmozluk], *iş ady.* Sowurmak işini amal etmezlik.

**SOWURTMAK** [sowurtmok], *işl.* Sowurmak işini başga birine etdirmek; sowurmagyna ýol bermek. Pullaryňy saga-sola sowurdyp ýörme-de, gowusy, ogluňa haý diýäý.

**SOWUŞ,** *iş ady.* Sowmak ýagdaýy.

**SOWUŞMAK** [sowuşmok], *işl.* **1**. Sowmaga kömek etmek. *Pulumy sowuşmaga kömekçi gerek däl, pul bolsa, özüm bir zat ederin*. **2**. Bilelikde sowmak (*sowmak* işliginden soň *ýörmek* işligi getirilip ulanylýar). *Sowuşyp ýörmek.*

**SOWUT,** *at, kön.s.*Uruşda sowuk ýaragdan goranmak üçin geýilýän demir tor köýnek. *Ine, altyn ýakaly sowut, galkan, şemşer, aýpalta, tylla desseli gazma we başga şuňa meňzeş ýaraglar* ("Görogly"). *Batyr bolan geýer sowut* ("Şasenem – Garyp").

**SOWUTGYÇ** [sowutguç], *at.* Azyk önümlerini sowatmak, doňdurmak, zaýalaman saklamak üçin tehniki enjam.

**SOÝ**, *at, kön.s.***1**. Asyl, özen. *Ol Aýşa, Fatma soýydyr.* ("Kitaby dedem Gorkut"). **2**. Urug, tire. *Her kimiň öz öýi, öz soýy* (Nakyl).

**SOÝDURMAK** [soýdurmok], *işl.* **1**. Gabygyny aýyrtmak. *Agajyň gabygyny soýdurmak.* **2**.Teniňi, bedeniňi sypjyrtmak, ýaralatmak. *Gazyga büdräp,*

*dyzyny soýdurdy.* **3**. Mal öldürtmek. **4**. *göç.m.* Aldap, talap biriniň zadyny aldyrtmak, talatmak.

**SOÝKA** [soýko], *at, gepl.d.* Geýilýän egin-eşik. *Ol köne soýkasyny çykardy.*

**SOÝMA** [soýmo], *iş ady.* Soýmak ýagdaýy.

**SOÝMAK** [soýmok], *işl.* **1**. Daşynyň derisini, gabygyny aýyrmak. *Deri soýmak.***2.**Bedeniň, teniň bir ýerini sypjyrmak, ýaralamak, hamynyň bir bölek ýerini goparmak. **3**. Mal öldürmek. *Goýun soýmak.* **4**. *göç.m.* Talap, aldap biriniň ýanyndaky puluny, gymmatly zatlaryny almak.

**SOÝMAKLYK** [soýmokluk], *iş ady.* Soýmak ýagdaýy.

**SOÝMAZLYK** [soýmozluk], *iş ady.* Soýmak işini ýerine ýetirmezlik.

**SOÝNAK** [soýnok], *at.* Esasan, eňsiniň gyrasyna, hala, el işlerine salynýan, garşylyklaýyn goýulýan iki sany "T" harpyna meňzeş nagyş. *Gyzlykda gyýak bilmedik eňside soýnak bilmez* (Nakyl).

**SOÝUBERMEK** [soýuvermek], *işl.* Soýup başlamak.

**SOÝUK,** *syp.* Daşy, gabygy soýlup aýrylan, soýlan. *Gabygy soýuk taýak.*

**SOÝUK-SOÝUK**, *syp.* Köp ýeriniň hamy bölek-bölek soýlan. *Güne ýanan ýüzi soýuk-soýukdy.*

**SOÝULMAK** [soýulmok], *işl.* **1**. Daşynyň derisi, gabygy aýrylmak. *Deri soýulmak. Sogan soýulmak.* **2**. Bedeniň, teniň bir ýeri sypjyrylmak, ýaralanmak, hamynyň bir bölek ýeri goparylmak. **3**. Mal öldürilmek. *Goýun soýulmak.* **4**. *göç.m.* Talap, aldap biriniň ýanyndaky puly, gymmatly zatlary alynmak.

**SOÝUM-SOÝUM**, *syp.*Teniniň ençeme ýeri soýlan, oýuk-soýuk. *Soýum-soýum bolmak. Soýum-soýum* etmek.

**SOÝUNMAK** [soýunmok], *işl.* **1**. *kön.s.* Eşikleriňi aýyrmak, çykarynmak. *Şol wagt Garamelegiň gyzy gyzlar bilen howuz başynda soýnup suwa girdi* ("Asly – Kerem"). **2**. Maly özüň üçin öldürmek. *Goýun soýunmak.*

**SOÝUŞ**,*iş ady.* Soýmak ýagdaýy.

**SOÝUŞMAK** [soýuşmok], *işl.* **1**. Soýmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde soýmak. *Gassaplar goýun soýşup durdular.*

**SOZAN** [sozon] **I**, *at.* Tüpeň.

**SOZAN** [sozon] **II**, *at.* Halta, köwüş tikilýän temen.

**SOZANGUÝRUK** [sozonğuýruk]**:sozanguýruk bolmak** biri-biriniň yzyndan tirkeşip gitmek, uzyn hatar bolup gitmek. *Atlylar sozanguýruk bolup, ýola düşdüler.*

**SOZDURMAK** [sozzurmok], *işl.* Bir zady süýndürtmek, uzaltdyrmak.

**SOZMA** [sozmo] **I**, **1**. *iş ady.* Sozmak ýagdaýy. **2**. *syp.* Gowy we aňsatlyk bilen sozulýan. *Sozma polat.*

**SOZMA** [sozmo] **II**, *at.* Keltejik içmek.

**SOZMAK** [sozmok], *işl.* **1**. Bir zady çekip, ýenjip süýndürmek, uzaltmak, süýmek. *Biri çekijiniň astynda sozýan bolsa, beýlekisi oňa taýýarlan poladyny berýär.* **2**. *gepl.d.* Sözleri çekip, süýndürip, süýkdürip aýtmak.

**SOZMAKLYK** [sozmokluk], *iş ady.* Sozmak ýagdaýy.

**SOZUBERMEK** [sozuvermek], *işl.* Sozup başlamak, sozup ugramak.

**SOZULMAK** [sozulmok], *işl.* **1**. Bir zat çekilip, ýenjilip süýndürilmek, uzaldylmak. *Ussa çekijini uranda, demir sozulýardy.* **2**.Sözleri süýndürilip aýdylmak. *Sesiň sozulyp çykýar-la?*

**SOZUŞ**, *iş ady.* Sozmak ýagdaýy.

**SOZUŞMAK** [sozuşmok], *işl.* **1**. Sozmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde sozmak.

**SÖBÜK** [so:vük], *at.* Ökjäniň ýokarsyndaky ýogyn damaryň duran ýeri.

◊ **Söbügine münmek (düşmek)** biriniň yzyndan kowmak, kowalamak.

**SÖBÜKBASAR** [sö:vükbasar], *at, gepl.d.* Orunbasar (ýaňsa almak üçin aýdylýar).

**SÖGDÜRMEK** [sö:ğdürmek], *işl.* **1**. Birine hapa, paýyş söz diýdirmek, sögüp durmagyna ýol bermek. *Özüňe sögdürip durma.*

**SÖGME** [sö:ğmö], *iş ady.* Sögmek ýagdaýy.

**SÖGMEK** [sö:ğmök], *işl.* **1**. Birine hapa, paýyş söz aýtmak. **2**. Birine gaharly käýemek.

**SÖGMEKLIK** [sö:ğmöklük], *iş ady.* Sögmek ýagdaýy.

**SÖGMEZLIK** [sö:ğmözlük], *iş ady.* Sögüp durmazlyk, gaharly käýemezlik.

**SÖGÜBERMEK** [sö:ğüvermek], *işl.* Sögüp ugramak, dowamly, yzyny üzmän sögmek.

**SÖGÜLMEK** [sö:ğülmök], *işl.* **1**. Birine hapa, paýyş söz aýdylmak. **2**. Birine gaharly käýelmek.

◊ **Sögüleniň bilen sökülmezlik** sögüleniň bilen hiç zat bolmaz. *Sögüleniň bilen sökülmersiň, oňa gynanyp oturma.*

**SÖGÜNÇ** [sö:ğünç], *at.* Sögülip aýdylýan hapa, paýyş söz.

**SÖGÜNJEŇ** [sö:günjöň], *syp.* Hapa, paýyş sözleri aýtmaga endik eden, sögegen. *Ol sögünjeň adamdy.*

**SÖGÜNJEŇLIK** [sö:günjöňlük], *at.* Sögünjeň bolmaklyk, sögegenlik. *Sen sögünjeňlik gylygyňy goý!*

**SÖGÜNJIREME** [sö:ğünjürömö], *iş ady.* Sögünjiremek ýagdaýy.

**SÖGÜNJIREMEK** [sö:günjürömök], *işl.* Öz ýanyňdan çalaja sögünmek.

**SÖGÜNJIREMEKLIK** [sö:ğünjürömöklük], *iş ady.* Sögünjiremek ýagdaýy.

**SÖGÜNJIREMEZLIK** [sö:ğünjürömözlük], *iş ady.* Öz ýanyňdan çalaja sögünmezlik.

**SÖGÜNJIREŞMEK** [sö:ğünjüröşmök], *işl.* Biri-biriňe sögünjiremek.

**SÖGÜNJIREÝIŞ** [sö:ğünjüröýüş], *iş ady.* Sögünjiremek ýagdaýy.

**SÖGÜNJIRÄBERMEK** [sö:ğünjürä:vermek], *işl.* Sögünjiräp başlamak.

**SÖGÜNMEK** [sö:ğünmök], *işl.* Öz ýanyňdan hüňürdäp gargynmak, bir zatdan zeýrenip käýinmek.

**SÖGÜŞ** [sö:ğüş], *iş ady.* Sögmek ýagdaýy.

**SÖGÜŞMEK** [sö:ğüşmök], *işl.* Biri-biriňe hapa, paýyş söz diýmek, biri-biriňe göwne degiji söz aýtmak, käýişmek, tersleşmek. *Uruş, sögüş, emma ýaraşmaga ýer goý* (Atalar sözi). *Beýdip ikiňiz sögüşip durmaň!*

**SÖHBET** [söhvöt], *at.* **1**. Biriniň edýän gürrüňi. *Halypanyň söhbeti uzaga çekdi* "Edebiýat we sungat"). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Söhbet açmak (gurmak)** gürrüň edip başlamak, gürrüň etmek. *Döredijilik barada söhbet açylanda, morta bir zat aýtmagam kyn* ("Edebiýat we sungat").

**SÖHBETDEŞ** [söhvötdöş], *at.* Söhbete, gürrüňe gatnaşýan adamlaryň her biri, söhbet edişýän adam, gürrüňdeş. *Söhbetdeşimiň ýüz-gözi ýagtyldy.*

**SÖHBETDEŞLIK** [söhvötdöşlük], *at.* Birnäçe bolup, üýşülip edilýän gürrüňdeşlik, üýşüp pikir alyşmaklyk.

**SÖK,** *at.* Gawun-garpyzyň çigidi aýrylan lötüne gowrulan un goşulyp, köp wagtlap gaýnadylyp taýýarlanylýan önüm. *Sök gaýnatmak.*

**SÖKDÜRMEK** [sökdürmök], *işl.* **1**. Gurulgy abat zady bozdurmak, bölek-bölek etdirmek. *Ol çig kerpiçden salnan haýatyny sökdürip, bişen kerpiçden saldyrdy.* **2**.Tikilen zadyň tikinini sogrup aýyrtmak. *Köýneginiň ýakasyny sökdürip, täzeden bejertdi.* **3**. Köpýyllyk ekinleriň ýerini sürüp agdartmak. *Ýorunja ýerlerini sökdürip, pagta ekdirdi.* **4**. Köp agtartmak, gözledip köp ýerleri aýlandyrmak. *Bütin obany sökdürdi, emma ol tapdyrmady.* **5**. *hukuk.* Bir işi täzeden derňewe ibertmek, täzeden garatmak. *Ol özüniň işini sökdürdi.*

**SÖKEL** [sököl], *syp.* Sag däl, näsag, ýarawsyz, nähoş. *Men bilmedim sökeldigim, sagdygym, Kişi bilmez näçagdygym, çagdygym* (Seýdi).

**SÖKELEME** [sökölömö], *iş ady.* Sökelemek ýagdaýy.

**SÖKELEMEK** [sökölömök], *işl.* Külterlenen ýüpi, saralan ýumagy çözlemek. *Dokma ýüwürdýänler mäşirigi sökeläp başladylar.*

**SÖKELEMEKLIK** [sökölömöklük], *iş ady.* Sökelemek ýagdaýy.

**SÖKELEMEZLIK** [sökölömözlük], *iş ady.* Külterlenen ýüpi, saralan ýumagy çözlemezlik.

**SÖKELENMEK** [sökölönmök] *işl.* Külterlenen ýüp, saralan ýumak çözlenmek. *Mäşirik togalanyp, sökelenip gitdi.*

**SÖKELEŞDIRMEK** [sökölöşdürmök], *işl.* Külterlenen ýüpleri, ýumaklary çözleşdirip çykmak.

**SÖKELEŞMEK** [sökölöşmök], *işl.* Sökelemäge kömekleşmek.

**SÖKELETMEK** [sökölötmök], *işl.* Sökelemek işini başga birine etdirmek.

**SÖKELEÝIŞ** [sökölöýüş], *iş ady.* Sökelemek ýagdaýy.

**SÖKELÄBERMEK** [sökölä:vermek], *işl.* Sökeläp başlamak; dowamly sökelemek.

**SÖKELRÄK** [sökölürä:k], *syp.* Keselbendräk, ýarawsyzrak, biraz nähoşrak.

**SÖKME** [sökmö], *iş ady.* Sökmek ýagdaýy.

**SÖKMEK** [sökmök], *işl.* **1**. Gurulgy abat zady bozmak, böleklere bölmek. *Şu oturgyjy sökeli.* **2**. Tikilen zadyň tikinini sogrup çykmak. *Köýnegiň ýeňini sökmek.* **3**. Köpýyllyk ekinleriň ýerini sürüp agdarmak, bozmak. *Şu gyş ýorunjalarymyzy sökmeli.* **4**. Köp ýerlere aýlanyp, gözläp çykmak, agtaryp, uzak ýollary geçmek. *Buhara barýança söküpsiň baryn, Bizlere mynasyp bir ýar gördüňmi?* (Baýly şahyr). *Ýol sökmek.* **5**. *hukuk.* Bir işe täzeden garamak, seretmek, barlamak. **6**. Endamyňy gowşatmak, goram-gowşak ýagdaýda bolmak. *Meni şypahananyň güýçli suwy sökdi öýdýän.*

**SÖKMEK** [sö:kmök], *işl., ser.* **Sögmek**. *Ýat illerde aýraçylyk çekenden, Ursa, sökse, horlasa-da, il ýagşy* (Magtymguly).

**SÖKMEKLIK** [sökmöklük], *iş ady.* Sökmek ýagdaýy.

**SÖKMEZLIK** [sökmözlük], *iş ady.* Sökmek işini amal etmezlik.

**SÖKÜBERMEK** [söküvermek] *işl.* Söküp başlamak, sökmegi dowam etdirmek.

**SÖKÜLMEK** [sökülmök], *işl.* **1**. Gurulgy abat zat bozulmak. **2**. Tikilen zadyň tikini gitmek. *Ýeňiň tikinleri sökülip gidipdir.* **3**. Köpýyllyk ekinleriň ýeri sürülmek, agdarylmak. *Ýorunja ýeri sökülip, pagta ekilipdir.* **4**. Köp ýerlere aýlanyp çykylmak, uzak ýol geçilmek. *Sökülip çykylmadyk ýer galmady, emma ol tapylmady.* **5**. *hukuk.* Bir işe täzeden garalmak, seredilmek, barlanmak.

**SÖKÜŞ**, *iş ady.* Sökmek ýagdaýy.

**SÖKÜŞDIRMEK** [söküşdürmök], *işl.* **1**. Bir ýanyndan söküp başlamak, söküp çykmak. *Gara öýi söküşdirdiler. Ýorunja ýerlerimizi söküşdirdik.* **2**. Uzak ýollary geçmek. *Uzak ýoly söküşdirip, ahyry daglyga ýetdik.*

**SÖKÜŞMEK** [sökuşmök], *işl.* **1**. Sökmäge kömek etmek. **2**. Bilelikde sökmek. *Maşyn söküşmek.*

**SÖLITE** [sölüýtö], *syp.* Iş oňarmaýan, başarnyksyz, gowşak (adam). *Sölite hatyndan, betlagam ärden, Eýesine yssy haýwan ýagşydyr* (Zelili).

**SÖLITELIK** [sölüýtölük], *at.* Sölitäniň ýagdaýy, sölite bolmaklyk.

**SÖLITERÄK** [sölüýtörä:k], *syp.* Az-kem sölite.

**SÖLPI** [sölpü], *syp.* Sölpüldäp ýören, özüni oňarmaýan, nalajedeýin.

**SÖLP-SÖLP** [sölp-sölp], *s.ş.aňl.söz.* Sölpüldäp ýörelende emele gelýän şekil.

**SÖLPÜRÄK** [sölpürä:k], *syp.* Azda-kände sölpi.

**SÖLPÜLDEME** [sölpüllömö], *iş ady.* Sölpüldemek ýagdaýy.

**SÖLPÜLDEMEK** [sölpüllömök], *işl.* **1**. Bedeniňi gataltman gowşak ýöremek, sölp-sölp edip ýöremek. **2**. *göç.m.* Belli bir işiň başyny tutman, bikär gezmek. *Bäş-alty günden sölpüldäp, yzyňa gelersiň.*

**SÖLPÜLDEMEKLIK** [sölpüllömöklük], *iş ady.* Sölpüldemek ýagdaýy.

**SÖLPÜLDEŞMEK**[sölpüllöşmök], *işl.* Birnäçe bolup, sölpüldäp ýörmek.

**SÖLPÜLDEÝIŞ** [sölpüllöýüş], *iş ady.* Sölpüldemek ýagdaýy.

**SÖLPÜLDÄBERMEK** [sölpüllä:vermek], *işl.* Belli bir işiň başyny tutman, bikär sölpüldäp gezip ýörmek.

**SÖLTÜK**, *syp.* Daş görnüşi gowşak, nalajedeýin, sölpi. *Garaýagyz, söltük görnüşli biri ileri omzady.*

**SÖM** [sö:m], *hal, gepl.d.* Dik, dim-dik, somalyp duran.

**SÖMELIŞMEK** [sömölüşmök] *işl., ser.* **Somalyşmak**. *Näme beýdip sömelişip dursuňyz?*

**SÖMELMEK** [sömölmök], *işl., ser* **Somalmak**. *Sömelmeli bolmak. Sömelip durmak.*

**SÖMELTMEK** [sömöltmök], *işl., ser.* **Somaltmak**.

**SÖMMEGRÄK** [sömmöğürä:k], *syp.* Sömmeribräk duran, depesi çürüräk.

**SÖMMEK** [sömmök], *syp.* Depesi dik, ýokarsy çüri, sömelip duran, zömmek. *Sömmek ak keçe telpek.*

**SÖMMERIŞ** [sömmörüş], *iş ady.* Sömmermek ýagdaýy.

**SÖMMERME** [sömmörmö], *iş ady.* Sömmermek ýagdaýy.

**SÖMMERMEK** [sömmörmök], *işl.* Somalyp görünmek. *Uzyn inçejik diň sömmerip durdy.*

**SÖMMERTMEK** [sömmörtmök], *işl.* Somalyp görner ýaly etmek. *Köne telpegini sömmerdip sögünip otyr* ("Görogly").

**SÖMPI** [sömpü], *syp.,ser.* **Sölpi**. *Ol bir nalajedeýin sömpi bolsa nätjek.*

**SÖMPÜLDEMEK** [sömpüllömök], *işl., ser.* **Sölpüldemek**. *Ýene sömpüldäp, boş baraýmalymy?*

**SÖMPÜLDEŞMEK** [sömpüllöşmök], *işl.* Birnäçe bolup sölpüldäp ýörmek.

**SÖNDÜRILMEK** [sönnürülmök], *işl.* Öçürilip goýulmak. *Ýangyn söndürildi. Ot söndürilmek. Çyra söndürildimikä?*

**SÖNDÜRIŞDIRMEK** [sönnürüşdirmök], *işl.* Bir ýan ujundan söndürip çykmak. *Ojaklarda sönmedik ot bar bolsa, hemmesini söndürişdiriň.*

**SÖNDÜRIŞMEK** [sönnürüşmök], *işl.* **1**. Ýanyp duran ody söndürmäge kömekleşmek. *Ýangyny söndürişmek.* **2**. Birnäçe bolup, bilelikde söndürmek. *Ýangyn söndürişip durmak.*

**SÖNDÜRMEK** [sönnürmök], *işl.* Ýanyp duran ot, çyra we ş.m. zady öçürmek. *Çyrany söndürmek. Işläp duran maşyny söndürmek.*

**SÖNDÜRTMEK** [sönnürtmök], *işl.* Söndürmek işini başga birine etdirmek, söndürmäge mejbur etmek.*Ýangyn söndürijilere ody söndürtmek.*

**SÖNEŇKIRLEMEK** [sönöňkürlömök], *işl.* Sönüp barmak, sönmäge ýakynlamak, öçübermek.

**SÖNME** [sönmö], *iş ady.* Sönmek ýagdaýy.

**SÖNMEK** [sönmök], *işl.* **1**. Ot, çyra we ş.m. zat ýanmagyny bes etmek, öçmek. *Tamdyrlar eýýäm sowapdy, ojaklar sönüpdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zada bolan hyjuwyň, meýliň, arzuwyň öçmegi, sowamagy.

**SÖNMEKLIK** [sönmöklük], *iş ady.* Sönmek ýagdaýy.

**SÖNMEZLIK** [sönmözlük], *iş ady.* Sönmän durmak, öçmezlik.

**SÖNÜBERMEK** [sönüvermek], *işl.* Kem-kemden sönüp ugramak, öçübermek.

**SÖNÜŞ**, *iş ady.* Sönmek ýagdaýy.

**SÖNÜŞMEK** [sönüşmök], *işl.* Kem-kemden sönmek(köp zat hakynda).

**SÖP**, *at, haýwanat d.* Süýnmek kelleli, ownuk **torçly** balyk.

**SÖRTÜK**,*at.* Gündogar tarapdan öwüsýän ýakymsyz gyzgyn ýa-da sowuk şemal. *Sörtük şemal ösýärdi.*

**SÖW**, *at.* Käriz guýularynyň suwunyň akyp geçýän ýoly.

◊ **Söw sürmek** käriziň guýularyny birikdirmek üçin, olaryň arasyny keseligine gazmak.

**SÖWDA** [söwda:] **I**, *at.* Almak we satmak esasynda geçirilýän haryt dolanyşygy.

◊ **Söwda etmek** her hili hojalyk harytlaryny satmak, sowda-satyk bilen meşgullanmak. **Söwdany gyzdyrmak** öňünden dilleşip, bіriniň aljak bolýan zadyna ýalandan hyrydar bolmak, özüňi şol harydy aljak ýaly ýagdaýda görkezmek.

**SÖWDA** [söwda:] **II**, Derdeserli waka, alada; söýgi, yşk. *Ne hasap, ne hesip, ne belli san bar, Kişi bilmez, ne söwdaýa sataşdym* (Magtymguly). *Bilmen niçik gamdyr, bilmen ne söwda, Hazan urdy, bag-bossanym gelmedi* (Andalyp).

**SÖWDAGÄR** [söwda:ğä:r / söwdöğä:r], *at.* Zat alyp, zat satýan, söwda bilen meşgul bolýan adam.

**SÖWDAGÄRÇILIK** [söwda:ğä:rçilik / söwdöğä:rçilik], *at, ser.* **Söwdagärlik**. *Bütin ömrüni diýen ýaly söwdagärçilik edip geçiripdi.*

**SÖWDAGÄRLIK** [söwda:ğä:rlik / söwdöğä:rlik], *at.* Hususy söwda bilen meşgullyk, alyp satyjylyk, söwda-satyk, alyş-çalyş edijilik.

**SÖWDALAŞDYRMAK** [söwda:laşdyrmak], *işl.* Satýan bilen alýan adamyň harydyň nyrhy hakda ylalaşmagyny gazanmak.

**SÖWDALAŞMA** [söwda:laşma], *iş ady.* Söwdalaşmak ýagdaýy.

**SÖWDALAŞMAK** [söwda:laşmak], *işl.* Harydyň bahasy hakda gepleşip, belli bir nyrha gelmek. *Satyjy bilen alyjy söwdalaşyp bilmediler.*

**SÖWDALAŞMAKLYK** [söwda:laşmaklyk], *iş ady.* Söwdalaşmak ýagdaýy.

**SÖWDALAŞMAZLYK** [söwda:laşmazlyk], *iş ady.* Söwdalaşyp bilmezlik.

**SÖWDALAŞYBERMEK** [söwda:laşyvermek], *işl.* Söwdalaşyp başlamak.

**SÖWDALAŞYLMAK** [söwda:laşylmak], *işl.* Harydyň bahasy hakda gepleşilmek, belli bir nyrha gelinmek.

**SÖWDALAŞYŞ** [söwda:laşyş], *iş ady.* Söwdalaşmak ýagdaýy.

**SÖWDALY** [söwda:ly], *syp.* Galmagally, aladaly. *Men bilmenem ne söwdaly başyň bar, Ýyldyz dagy, neçün gitmez dumanyň* ("Görogly").

**SÖWDA-SATYK** [söwda:-satyk], *at.* Zat alyp, zat satma, aluw-satuw. *Söwda-satyk işi.*

**SÖWDEK** [söwdök], *at.* Gumda bitýän kiçijik baldakly ot.

**SÖWDÜGIM** [söwdüğüm], *at, gepl.d.* Ezizim, söýenim, söýgülim. *Söwdügim, takdyry-hakdyr aýyrgan bizden seni. Eý söwdügim, Soňudagy, dagdanlydyr biliň seniň* (Magtymguly).

**SÖWEDEŇ** [söwödöň], *syp.* Uzyn, tagaşyksyz, çemesiz (adam). *Söwedeň pyýada.*

**SÖWEDEŇLEME** [söwödöňlömö], *iş ady.* Söwedeňlemek ýagdaýy.

**SÖWEDEŇLEMEK** [söwödöňlömökj, *işl.* Söw-söw edip ýörmek, boş aýlanyp ýörmek, işsiz ygyp ýörmek. *Söwedeňläp ýörmek.*

**SÖWEDEŇLEŞMEK** [söwödöňlöşmök], *işl.* Birnäçe bolup söw-söw syryp ýörmek, boş aýlanyşyp ýörmek, işsiz ygyşyp ýörmek. *Söwedeňleşip ýörmäňde, bir käriň başyny tutuň!*

**SÖWEDEŇLEÝIŞ** [söwödöňlöýüş], *iş ady.* Söwedeňlemek hereketi.

**SÖWEDEŇLÄBERMEK** [söwödöňlä:vermek], *işl.* Söw-söw edip başlamak.

**SÖWELIŞ** [söwölüş], *iş ady.* Söwelmek ýagdaýy.

**SÖWELIŞMEK** [söwölüşmök], *işl.* Dikelişip durmak, birnäçe bolup işsiz gezişip ýörmek. *Söwelişip durmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**SÖWELME** [söwölmö], *iş ady.* Söwelmek ýagdaýy.

**SÖWELMEK** [söwölmök], *işl.* Dikelip durmak. *Näme söwelip dursuň?*

**SÖWELMEKLIK** [söwölmöklük], *iş ady.* Söwelmek ýagdaýy.

**SÖWELTMEK** [söwöltmök] *işl.* Dik duruzmak. *Men ony seniň öňünde söwelderin.*

**SÖWER** [söwör], *syp.* **1**. Iň gowy görülýän, söýgüli, eziz. *Aýyrdy söwer balamdan, Ýüregimni ýara kyldy* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

**SÖWEŞ** [söwöş], *at, harby.* Biri-birine garşy iki tarapyň ýaragly çaknyşygy, uruş, jeň.

**SÖWEŞDEŞ** [söwöşdöş], *syp.* Bilelikde söweş eden, söweşde bile bolan. *Söweşdeş ýoldaş.*

**SÖWEŞIBERMEK** [söwöşüvermek], *işl.* Söweş edibermek, söweş alyp barybermek, urşubermek.

**SÖWEŞILMEK** [söwöşülmök], *işl.* Söweş alyp barylmak, söweş edilmek, urşulmak.

**SÖWEŞIŞ** [söwöşüş], *iş ady.* Söweşmek ýagdaýy.

**SÖWEŞJEŇ** [söwöşşöň], *syp.* **1**. Bir zat ugrunda jan aýaman söweşýän, göreşýän, jan çekýän. *Şol zamananyň söweşjeň ýigitleri kasam etdiler.* **2**. *göç.m.* Möhüm, wajyp ähmiýetli.

**SÖWEŞJEŇLIK** [söwöşşöňlük], *syp.* Söweşjeň bolmaklyk, göreşjeňlik.

**SÖWEŞME** [söwöşmö], *iş ady.* Söweşmek ýagdaýy.

**SÖWEŞMEK** [söwöşmök], *işl.* **1**. Söweş etmek, söweş alyp barmak, uruşmak **2**. *göç.m.* Durmuşda, işde bir zatdan üstün çykjak bolup çalyşmak, göreşmek. *Gaý bilen söweşmek.*

**SÖWEŞMEKLIK** [söwöşmöklük] *iş ady.* Söweşmek ýagdaýy.

**SÖWEŞMEZLIK** [söwöşmözlük], *iş ady.* Söweş alyp barmazlyk.

**SÖWEÝIN** [söwöýün]**: gözüňe söweýin** bir zat gowy ýa-da erbet görlen wagtynda içki joşgunyňy ýüze çykarmak üçin aýdylýan aňlatma.

**SÖW-SÖW: söw-söw syryp ýörmek** *ser.* **Söwedeňlemek**. *Söw-söw syryp ýörmek saňa gelişýän zat däl.*

**SÖWÜŞ**, *at.* Gelen myhmanyň hatyrasy üçin soýulýan mal, edilýän hormat. *Söwüş üçin baggoýun soýuldy.*

◊ **Söwüş etmek** mal soýup, hormat etmek. *Maňa söwüş edermisiňiz!* ("Myraly"). **Söwüş goýny** gelin edinýän adamyň toý üçin gyz öýüne eltip berýän goýny.

**SÖWÜŞLIK** [söwüşlük], *syp.* Söwüş üçin niýetlenen (mal). *Bazardan söwüşlik alyp geldik.*

**SÖWÜT**, *at.* Insiz süýri çal ýaprakly, çeýe şahaly agaç, tal.

**SÖWÜTLIK** [söwütlük], *at.* Söwüt agajynyň köp biten, gögerip oturan ýeri. *Söwütlikde salkynja şemal öwüsýär.*

**SÖÝ**, *at.* **1**. *kön.s.* Söz. *Ýüzün sowup, gep alyşmaz çyn ärler, Bir söý bilen ýagşy dosty çep bolsa (*Magtymguly). **2**.Saý-sebäp, sebäp. *Bir söý bilen bärik sowulmaly bolduk.*

**SÖÝDÜRMEK** [söýdürmök], *işl.* Birinde özüňe söýgi döretmek, özüňi halatmak.

**SÖÝE** [söýö], *at.* **1**. Gapynyň aşaky we ýokarky işiklerini (bosagalaryny) birikdirýän we gabsa berkidilýän iki dik agaç. *Ol söýä ýaplanyp durdy.* **2**. *göç.m.* Daýanç, arkadaýanç, arka.

**SÖÝEBAG** [söýöva:ğ], *at.* Işigiň söýesi bilen tärimi birleşdirýän ýüp, bag.

**SÖÝEG** [söýöğ], *at.* **1**. Bir zady diräp saklamak üçin söýelip goýulýan direg, paýa. *Söýeg bilen duran ýerleri ýan bermedi.* **2**. *ser.* **Söýe** **2**. **3**. Oglana dakylýan at.

**SÖÝELIŞ** [söýölüş], *iş ady.* Söýelmek ýagdaýy.

**SÖÝELMEK** [söýölmök], *işl.* Bir zat başga bir zada direlip, ýaplanyp goýulmak. *Haltalar biri-birlerine söýelip goýlupdyr. Dula söýelgi dutary eline aldy.*

**SÖÝEM** [söýöm] **I**, *at.* Palasa salynýan "üýşürme" nagşyny deň ikä bölýän çyzyk, şeýle-de, bir nagşy emele getirmek üçin dogry çekilen çyzyk.

**SÖÝEM** [söýöm] **II**, *at.* Düýebaşlygyň daş gyrasyna aýlanýan mata.

**SÖÝEME** [söýömö], *iş ady.* Söýemek ýagdaýy.

**SÖÝEMEK** [söýömök], *işl.* Bir zady başga bir zada diräp, ýaplap goýmak. *Ol gapdalynda ýatan pişegini ýerden galdyryp, diwara söýäp goýdy.*

**SÖÝEMEKLIK** [söýömöklük], *iş ady.* Söýemek ýagdaýy.

**SÖÝEMEZLIK** [söýömözlük], *iş ady.* Söýemek işini ýerine ýetirmezlik.

**SÖÝENIŞMEK** [söýönüşmök], *işl.* **1**. Iki ýa-da birnäçe bolup biri-biriňe söýenmek. *Söýenişen – ýykylmaz* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Direnişmek. *Ol söýenişip duran dört çaryýardyr, Maksadyň ne bolsa, sorgul diýdiler* (Magtymguly). *Onuň söýenişip duran dag ýaly doganlary bardy.*

**SÖÝENMEK** [söýönmök], *işl.* **1**. Bir zada ýaplanmak. *Ol gapa söýenip durdy.* **2**. *göç.m.* Birine daýanmak, birini arka edinmek.

**SÖÝEŞDIRMEK** [söýöşdürmök], *işl.* Birnäçe zady biri-birine söýäp çykmak. *Meniň wezipäm – daýymyň ýonan tagtalaryny äkidip, gün düşýän ýerde tama söýeşdirip goýmak* ("Edebiýat we sungat").

**SÖÝEŞMEK** [söýöşmök], *işl.* **1**. Söýemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde söýemek. *Olar doly çuwallary öýüň duluna söýeşip durdy.*

**SÖÝETMEK** [söýötmök], *işl.* Söýemek işini birine etdirmek.

**SÖÝÄBERMEK** [söýä:vermek], *işl:* Bir zady beýleki bir zada söýäp goýubermek.

**SÖÝGET** [söýğöt], *at.***1**. Söýenip, direnip, ýaplanyp, deňagramlylygyňy saklamak üçin daýanç (agaç, hasa, oturgyjyň arkasy we ş.m.). **2**. Ýardam, goldaw, kömek.

**SÖÝGETLEME** [söýğötlömö], *iş ady.* Söýgetlemek ýagdaýy.

**SÖÝGETLEMEK** [söýğötlömök], *işl.* **1**. Söýget, direg, söýe we ş.m. bilen berkitmek. *Söýgetläp goýlan diwarlar gaýşarylyp ýykylmaga az galypdyr.* **2**. Birine söýget bolmak. *Göroglyny söýgetläp, haremhanadan alyp çykdylar* ("Görogly").

**SÖÝGETLEMEKLIK** [söýğötlömöklük], *iş ady.* Söýgetlemek ýagdaýy.

**SÖÝGETLENMEK** [söýğötlönmök], *işl.* **1**. Söýget edilmek. *Söýgetlenen jaýyň diwary sarsgyna berk durdy.* **2**.Ýardam edilmek, kömek edilmek, goldanmak.

**SÖÝGETLEÝIŞ** [söýğötlöýüş], *iş ady.* Söýgetlemek ýagdaýy.

**SÖÝGI** [söýğü], *at.* Başga birini ýa-da bir zady janyňdan ileri tutup, tüýs ýürekden gowy görmek duýgusy. *Watana söýgi. Çaga bolan söýgi. Gyza bolan söýgi.*

◊ **Söýgi meýi** söýginiň lezzeti.

**SÖÝGÜLI** [söýğülü], *syp.* **1**. Gowy görülýän, aşyk bolnan, söýülýän. *Söýgüli ýar.* **2**. Gowy görülmäge mynasyp, sylanýan, hormat goýulýan. *Ol iliň iň söýgüli aýdymçysy.*

**SÖÝLEMEK** [söýlömök] **I**, *işl., kön.s.* Sözlemek. *Aňlamaý söýleme: Tamda gulak bar, Iç syryň kişige aýdyjy bolma* (Magtymguly).

**SÖÝLEMEK** [söýlömök] **II**, *işl., gepl.d.* Makul bilmek, halamak; islemek. *Diýenimi etmejek bolsaň, söýläniňi ediber.*

**SÖÝMEDIKSIREMEK** [söýmödüksürömök], *işl.* Söýesi gelse-de, söýmedik bolan bolmak.

**SÖÝMEK** [söýmök], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady janyňdan ileri tutup, tüýs ýürekden gowy görmek. *Watanyňy söýmek. Il-günüňi söýmek.* **2**. Mähir bilen garap, her hili gowy, hoşamaý sözler aýtmak. *Çagany söýmek.* **3**. Bir zady gowy görmek, halamak. *Kitap okamagy söýmek.*

**SÖÝMEKLIK** [söýmöklük], *iş ady.* Söýmek ýagdaýy.

**SÖÝMEZLIK** [söýmözlük], *iş ady.* Birini ýa-da bir zady gowy görmezlik, halamazlyk.

**SÖÝÜBERMEK** [söýüvermek], *işl.* Söýüp başlamak, söýüp ugramak.

**SÖÝÜLMEK** [söýülmök], *işl.* Biriniň söýgüsine mynasyp bolmak, gowy görülmek. *Ol söýülýän ýigitdi.*

**SÖÝÜNÇ**, *at.* **1**. Adamda döreýän guwanç, şatlyk, begenç. *Ýaş ýigit söýünçli habar berdi.* **2**. Oglana dakylýan at.

**SÖÝÜNJI** [söýünjü], *at, ser.* **Buşluk**. *Birnäçe menzil ýol ýöräp, Müsüre ýakyn ýetdiler we patyşaga söýünji diýip, adam iberdiler* ("Hüýrlukga – Hemra"). *Her kim Gülnüň mekanyny tapsa, bir şäher söýünji berermen* ("Gül – Bilbil").

**SÖÝÜNJILEME** [söýünjülömö], *iş ady.* Söýünjilemek ýagdaýy. *Söýünjileme ol ilge sen bu işni* (Abdysetdar Kazy).

**SÖÝÜNJILEMEK** [söýünjülömök], *işl., ser.* **Buşlamak**. *Perizady getirýän bolsa, söýünjiläp gelgin!* ("Görogly").

**SÖÝÜNME** [söýünmö], *iş ady.* Söýünmek ýagdaýy.

**SÖÝÜNMEK** [söýünmök], *işl.* Birinden ýa-da bir zatdan hoşal bolmak, şatlanmak, guwanmak, begenmek, söwünmek. *Her täze jaýyna köňül söýüner, Akmagyň işinden zehin käýiner* (Magtymguly).

**SÖÝÜNMEKLIK** [söýünmöklük], *iş ady.* Söýünmek ýagdaýy.

**SÖÝÜNMEZLIK** [söýünmözlük], *iş ady.* Söýnüp hoşal bolmazlyk.

**SÖÝÜŞ,** *iş ady.* Söýmek ýagdaýy.

**SÖÝÜŞMEK** [söýüşmök], *işl.* Biri-biriňi söýmek, biri bilen halaşmak. *Olar öňden söýüşýärdiler.*

**SÖZ**, *at.* **1**. Aýry-aýry düşünjeleri aňlatmak üçin hyzmat edýän dil birligi. **2**. Ýygnakda, köpçüligiň öňünde edilýän çykyş. *Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasynda sözlan sözi.* **3**. Köpçüligiň öňünde geplemek üçin berilýän hukuk, rugsat. *Söz azatlygy. Çykyş etmek üçin söz bermek.* **4**. Pikir. *Sen hem öz sözüňi aýt, soň jemläýeliň!* **5**. Berlen wada. *Ol öz sözüniň eýesidir.*

◊ **Söz açmak** bir mesele hakynda gürläp başlamak. **Söz almak 1)** sözlemäge, çykyp geplemäge rugsat almak. **2)** birinden bir zat hakynda maglumat almak. **Söz aýtmak** biriniň gyzyny gelinlige soramak. *Şu gün goňşy obadan gelen sawçylar pylanynyň gyzyna söz aýdypdyrlar.* **Söz bermek** bir zady wada etmek, äht etmek. *Gowy okamaga söz bermek.* **Söz gatmak** sözleşmek üçin habar gatmak. **Sözi agzyna çeýnäp bermek**

öwretmek. **Sözi bölmek** biriniň gürrüňiniň arasyna gürrüň goşmak. *Ogly onuň sözüni böldi.* **Sözi suw gysymlan ýaly** boş, düşnüksiz. **Sözi ýapa degmez** ýalan. **Sözi ýer almazlyk** aýdan zadyň makullanmazlyk. **Söz urmak** söz sözlemek, geplemek, söhbet etmek. *Menden idinsiz bir adamyň bir agyz söz urmaga haky ýok* ("Edebiýat we sungat"). **Sözünden bal dammak** manyly we süýji sözlemek. **Sözüniň eýesi bolmak** *ser.* **Sözüňde tapylmak. Sözüň agzyňda** biriniň gürrüňini, sözüni böljek bolanyňda aýdylýan edepli ýüzleniş. **Sözüň alyşmak** sözde, gürrüňde kybapdaş bolmak, ümmüldeşip gitmek; sulhuň alyşmak. *Asyl onuň bilen sözümiz alyşdy ötägitdi.* **Sözüň azaşmak** agzalalyk döremek, tersleşmek. *Soňky wagtlarda olaryň sözi azaşdy.* **Sözüňden dönmek (dänmek)** aýdan, beren sözünden boýun towlamak, boýun gaçyrmak. **Sözüňde tapylmak** beren wadaňy, aýdan sözüňi ýerine ýetirmek. *Söz berdiňmi, sözüňde tapyl!* **Sözüňi syndyrmak** ýüz tutup ýa-da maslahat berip aýdan sözüň ýer almazlyk, ýerine ýetirilmezlik. **Sözüňi zaýalamak** haýyş, maslahat we ş.m. maksat bilen aýdan sözüň ýer almazlyk, aýdanyň biderek bolmak. *Ol tüýs it haýyr görmez adamdyr, gury sözüňi zaýalanyň galar.* **Sözüň ötmek** (geçmek) aýdan-diýeniň ýer tutmak, aýdan-diýeniň ýerine ýetirilmek, diýeniň bolmak. **Sözüň ýer almazlyk (tutmazlyk)** aýdanyň, diýeniň bolmazlyk, ýerine ýetmezlik.

**SÖZAÝDYJY**,*at.* Biriniň gyzyny gelinlige dilemäge barýan adam, sawçy. *Olara sözaýdyjy geldi.*

**SÖZBAŞY** [sözvaşy], *at.* Eseriň, ylmy işiň öňünden berilýän gysgaça giriş düşündirişi we onuň ady. *Bu barada sözbaşyda ýeterlik maglumatlar berilýär.*

**SÖZEN** [sözön], *at.* Gumda bitýän çalymtyl ýaprakly, dik ösýän gyrymsy agaç.

**SÖZENEK** [sözönök], *at, lukmanç.* Jyns agzasynda bolýan ýokanç kesel.

**SÖZLEM** [sözlöm], *at.* Gutaran oý-pikiri aňladýan bir söz, belli bir tertipde gelýän sözler toplumy, jümle. *Ýönekeý sözlem. Goşma sözlem. Eýerjeňli sözlem.*

**SÖZLEME** [sözlömö], *iş ady.* Sözlemek ýagdaýy.

**SÖZLEMEK** [sözlömök], *işl, ser.* **Geplemek 1**, **2**.*Aryf akyl sözün sözlär, Namart-pisat rastyn gizlär* (Magtymguly).

**SÖZLEMEKLIK** [sözlömöklük], *iş ady.* Sözlemek ýagdaýy.

**SÖZLEMEZLIK** [sözlömözlük], *iş ady.* Sözlemän durmaklyk, sözlemän oturmaklyk.

**SÖZLEŞIK** [sözlöşük], *at, ser.* **Gepleşik**.*Şeýle sözleşikden soň köp pikirlendi.*

**SÖZLEŞMEK** [sözlöşmök], *işl., ser.* **Gepleşmek**.

**SÖZLETMEK** [sözlötmök], *işl., ser.* **Gepletmek**. *Sözledip bilseň, köp gürrüň berer.*

**SÖZLEÝIŞ** [sözlöýüş], **1**. *iş ady.* Sözlemek ýagdaýy. **2**. Pikiriňi sözler bilen aňlatmak usuly. *Gürrüň etdirmek sözleýiş dilini ösdürýär. Sözleýiş medeniýeti.*

**SÖZLÄBERMEK** [sözlä:vermek], *işl.* Sözläp başlamak, gürläp ugramak.

**SÖZLÜK**, *at.* **1**. Bir dilde düşündiriş berlen ýa-da bir dilden başga bir dile terjime edilen sözleri elipbiý tertibinde öz içine alýan kitap. *Türkmen diliniň sözlügi.* **2**.Bir dildäki ähli sözleriň ýa-da bir eserde ulanylan sözleriň jemi. *Diliň sözlük düzümi.*

**SÖZLÜKLIK** [sözlüklük], *at.* Sözlüge girizilmeli edilen sözleri öz içine alýan sanaw, sözlügiň süňňi.

**SÖZME-SÖZ** [sözmö-söz], *hal.* Her bir sözüň manysyny laýyk getirip. *Goşgyny sözme-söz terjime etmek.*

**SÖZSOŇY** [sössoňy], *at, edeb.* Köplenç, çeper, ylmy, jemgyýetçilik eserleriniň soňunda şol eseriň umumy mazmuny, ähmiýeti we ş.m. barada ýa-da eseriň awtory hakynda goşmaça maglumatlar berýän ýazgy.

◊ **Sözsoňy kömekçiler** degişli sözlerine täze many berýän sözler. *Meselem: üçin, kimin, ýaly, görä we ş.m.*

**SPARTAKIADA** [yspartakyýa:da], *at.* Köpçülikleýin häsiýete eýe bolan toplumlaýyn sport ýaryşlary. *Bu Spartakiadanyň yglan edilmeginiň düýp maksady Türkmenistanda sporty ösdürmekden, halkymyzy köpçülikleýin sporta çekmekden, sagdyn, edepli hem arassa ahlakly nesil terbiýeläp ýetişdirmekden, çyn zehinleri ýüze çykaryp, olardan ussat türgenleri ýetişdirmekden hem-de sagdyn jemgyýeti kemale getirmekden ybarat* ("Saglyk").

**SPIRT** [ispi:rt], *at.* Düzüminde gant ýa-da krahmal bolan jisimleriň bugundan alynýan suwuklyk.

**SPIRTLI** [ispi:rtli], *syp.* Düzüminde spirt bar bolan. *Spirtli içgiler.*

**SPORT** [yspo:rt], *at.* **1**. Bedenterbiýäniň düzüm bölegi bolup, adam organizmini ösdürmegi we berkitmegi, ony ahlak taýdan terbiýelemegi we ýaryşlarda onuň ýokary netijeler gazanmagyny maksat edinýän fiziki maşklar toplumy. *– Sport – munuň özi gujur-gaýratyň, gözelligiň, sagdynlygyň we progresiň belentliklerine tarap ymtylyşyň janly beýanydyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow). **2**. Şu maşklaryň toplumy boýunça ýaryşlary we okuw-türgenleşik sapaklaryny guramagyň hem-de geçirmegiň ulgamy. *Sport mekdebi.*

**STADION** [ystadiýo:n], *at.* Futbol we beýleki sport ýaryşlary, türgenleşik işleri üçin dürli meýdançalary, tomaşaçylar üçin tribunalary, goşmaça desgalary hem-de jaýlary bolan sport toplumy.

**STANSIÝA** [ysta:nsyýa], *at.* **1**. Demir ýollarda desgalary hem-de gulluklary öz içine alýan otly duralgasy. *Aşgabat demir ýol stansiýasy.* **2**. Ýörite maksatly käbir edaralaryň, kärhanalaryň ady. *Telefon stansiýasy. Elektrik stansiýasy. Tohumçylyk stansiýasy. Ulaglara ýangyç guýýan stansiýa.*

**STATISTIKA** [ystati:stika], *at.* Jemgyýetçilik önümçiliginiň we jemgyýetiň ösüşiniň, olaryň özara

gatnaşygynyň hem-de özgerişlikleriniň mukdar görkezijilerini işleýän we öwrenýän ylym; köpçülikleýin hadysalary mukdar taýdan hasaba alyş.

**STATISTIK** [ystati:stik], *syp.* Statistika degişli, statistikanyň kanunlaryndan gelip çykýan. *Statistik maglumatlara salgylanmasaň hem ak mermerli Aşgabadyň keşbini görüp, haýran galýarsyň* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**STATUS** [ysta:tus], *at, ser.* **Hukuk: hukuk ýagdaýy**.

**STIL** [isti:l], *at, dil b.* **1.** Haýsydyr bir ýazyja, edebi esere, ugra, žanra häsiýetli bolan dil serişdeleriniň ulanylyş tärleriniň, usullarynyň jemi, uslyp. *Romantik stil. On dokuzynjy asyryň ortalaryndaky rus romanlarynyň stili.* **2.** Edebi diliň kadalaryna laýyklykda sözleýşiň gurluşy, söz arkaly beýan etmegiň usuly. *Ýokary stil. Aralyk stil. Pes stil.* **3.** Edebi diliň funksional görnüşi. *Resmi-iş stili. Gepleşik stili. Ylmy stil. Publisistik stil.* **4.** Bir işiň usuly, täri, ugry. *Edaranyň ýolbaşçydynyň işleýiş stili.*

**STOL** [ysto:l], *at.* Aýaklarynyň üstünde duryan giňden tekiz tagta görnüşli mebel. *Dörtburç stol. Tegelek stol. Nahar stoly. Ýazuw stoly. Iş stoly. Stoluň başyna geçmek. Stoluň başyndan turmak. Otaga giren ýeriňde üsti ak örtgi ýapylan stol dur* (A. Gowşudow). *Ýigit dolanyp öýe girdi-de, stoluň başynda ornaşykly oturdy* (B. Soltannyýazow). *Onuň gözüne ak mata bilen örtülgi tegelek stoluň üstünde duran owadan güldandaky bir desse çemen seçelenip göründi* (N. Pomma).

**STUL** [ystu:l / ysdu:l ], *at.* Bir adam oturar ýaly dört aýakly we arkasy ýaplanar ýaly oturgyç, mebeliň bir görnüşi. *Okuwçylaryň stuly.*

**SUBUT** [suvu:t]**: subut etmek** bir zadyň dogry ýa-da nädogrudygyny tassyklap görkezmek.

**SUBUTNAMA** [suvu:tna:ma], *at.* Bir zady tassyklaýan esas, delil.

**SUBUTSYZ** [suvu:ssuz], *syp.* Esassyz, delilsiz.

**SUBYTLY** [suvuýtly / suwuýtly], *syp., gepl.d.* Derekli, derde ýarar ýaly, oňly. *Ýöne olaryň içinde subytly zat ýok öýdýän.*

**SUBÝEKT** [subýe:kit], *at, filos., logika.* **1.** Belli bir zada, ýagny obýekte göz ýetirýän, pikir edýän we hereket edýän şahs; aň ýetirişiň obýekti bolan daşky dünýä garşy duryan mahluk; özi hakynda haýsydyr bir zat tassyklanýan ýa-da inkär edilýän predmet, zat, pikir ýöredişiň predmeti. **2.** Grammatikada sözlemiň eýesi.

**SUDANLY** [suda:nly], *at, ser.* **Sudanlylar**.

**SUDANLYLAR** [suda:nlylar], *at.* Sudanyň araplardan we beýleki milletlerden ybarat halky.

**SUDUR** [sudu:r], *at.* Bir zadyň çala görünýän daş görnüşi, şekili. *Günüň sudury görünmeýärdi.*

**SUGŞURMA** [suğşurmo], *iş ady.* Sugşurmak ýagdaýy.

**SUGŞURMAK** [suğşurmok], *işl.* **1.** Gaba salynýan zatlary biri-birine degrip, gysyşdyryp, basyşdyryp, itişdirip goýmak. *Zatlaryňy sugşuryp salmasaň, çemedanyňa ýerleşmez.* **2.** Jaýdar söz aýtmak. *Sözlerini yzly-yzyna sugşurdy.* **3.** *gepl.d.* Bedeniniň bir ýerine jaýdar urmak, ýelmemek. *Ýeňsesine sugşuryp goýbermek.*

**SUGŞURMAKLYK** [suğşurmokluk], *iş ady.* Sugşurmak ýagdaýy.

**SUGŞURTMAK** [suğşurtmok, *işl.* Biriniň sugşurmagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**SUGŞURYBERMEK** [suğşuruvermek], *işl.* Sugşuryp başlamak.

**SUGŞURYLMAK** [suğşurulmok], *işl.* **1.** Gaba salynýan zatlar biri-birine degrilip, gysyşdyrylyp, basyşdyrylyp, itişdirilip goýulmak. **2.** Jaýdar söz aýdylmak. *Yzly-yzyna sugşurylyp aýdylýan sözler onuň janyndan ötdi.* **3.** *gepl.d.* Bedeniniň bir ýerine jaýdar urulmak, ýelmenmek.

**SUGŞURYŞ** [suğşuruş], *iş ady.* Sugşurmak ýagdaýy.

**SUGŞURYŞDYRMAK** [suğşuruşdurmok], *işl.* Yzly-yzyna sugşurmak, sugşuryp çykmak. *Jaýdar setirleri sugşuryşdyrdy.*

**SUGUN** [su:ğun], *at.* Süýdemdirijiler maşgalasyndan bolan gäwüşeýän, goşa toýnakly, şahlak haýwan.

**SUGUNÇY** [su:ğunçy], *at.* Sugunlary ösdürip ýetişdirýän adam.

**SUGUNÇYLYK** [su:ğunçuluk], *at.* Maldarçylygyň sugunlary ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan pudagy.

**SUHAN** [su:han / suho:n], *at, k.d.* **1.** Aýdylýan çeper söz, edilýan süýji gürrüň. *Sözlegende, hoş suhandyr bilbili-şeýda ýigit* (Mollanepes). **2.** Oglana dakylýan at.

**SUHANGÖÝ** [su:hanğöý], *syp., k.d, ser.* **Suhanwer**. *Ony meniň kimin suhangöý, jadygöý alyp geler* ("Görogly"). *Suhangöýler – märekede, jomartlar aşda bellidir* (Zelili).

**SUHANWER** [suhanwör], *syp., k.d.* Söze çeper, dilewar. *"Suhanwer men" diýen köpdür jahanda* (Magtymguly).

**SUHLABERMEK** [suhla:vermek], *işl.* Bir ýanyndan suhlap başlamak.

**SUHLAMA** [suhlomo], *iş ady.* Suhlamak ýagdaýy.

**SUHLAMAK** [suhlomok], *işl., gepl.d.* **1.** Sowuk ýarag bilen urup ýaralamak, pyçaklamak, sowuk ýaragy çümdürmek, bir ýerinden sokmak. **2.** Eli bilen, köplenç, gapdalyňdan gaýta-gaýta itmek, basmak. *– Bir zat aýtjak bolsaň, her gezek böwrümden suhlap dursuň, men ker däl-ä, ýöne aýdyber.*

**SUHLAMAKLYK** [suhlomokluk], *iş ady.* Suhlamak ýagdaýy.

**SUHLATMAK** [suhlotmok], *işl.* Biriniň suhlamagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**SUHLAÝYŞ** [suhloýuş], *iş ady.* Suhlamak ýagdaýy.

**SUKUM,** *at, gepl.d.* Bir agyz, bir azajyk. *Ýene bir sukumjyk iýsene.*

◊ **Bir sukum** azajyk zadyň möçberini aňladýan ölçeg (palaw, dograma we ş.m. nahar hakynda).

**SULBAT** [sulvot], *at, k.d., ser*. **Sulp**. *Adam atanyň sulbaty ýedi ýeriň topragydyr* (Magtymguly).

**SULBA** [sulvo], *at.* Ýyrtyk-ýirik egin-eşik, eleşan geýim. *Egni ýyrtyk sulbaly*.

**SULH: sulhuň almak** birini ýa-da bir zady (mysal üçin, zenany) halamak, gowy görmek, ýüregiň almak. **Sulhuň alyşmak** gylyk-häsiýetleri gabat gelip, birek-biregi ýüregiň almak, biri beýlekisine ýaramak. *Onuň bilen sulhumyz alşyp gitdi*.

**SULP**, *at, k.d*. **1**. Bil, bil oňurgasy. *Owal atań sulbundan, Eneň mährine geldiň* (Zelili). **2**. Biriniň asly, nesli.

**SULUHMAK** [suluhmok], *işl.* Halys bolmak, ýadamak. *Ol sulhup durdy.*

**SULUW**, *syp., kön.s.*Owadan, görmegeý, gözel. *Her kim suluw men diýr, ygtybar bolmaz, Sünbül saçy gylça bili bolmasa* (Magtymguly).

**SULUWLYK** [suluwluk], *at, kön.s.*Owadanlyk, görmegeýlik, gözellik. *Owadanlykda onuň taýy ýokdur, suluwlykda, hüýrlükde oňa hiç bir perizat ýetmez* (Şabende).

**SUMAT** [suma:t]**: sumat bolmak** bir ýana ýitirim bolmak, gürüm-jürüm bolup gözden ýitmek, ýok bolmak. *Olar sumat boldular.*

**SUNGAT** [suňğot], *at.* **1**. Başarnygy, ussatlygy talap edýän inçe el işi. **2**. Durmuşy, hakykaty çeper suratkeşlik arkaly döredijilikli şöhlelendirmeklik. *Söz sungaty. Şekillendiriş sungaty. Sahna sungaty.*

**SUNMAK** [sunmok], *işl., kön.s.* **1**. Uzatmak, hödürlemek, bermek. *Pyýala doldurup, döwre berdiler, Maňa ýetgeç golum sundum, ýaranlar* (Magtymguly). *Leblerim teşne galdy, bir posa sunmaz gelin* (Kemine). **2**. Egmek, boýun egmek, buýrugy ýerine ýetirmek. *Allanyň emrine sunup boýnuny* (Magtymguly).

**SUŇŞURMAK** Agaç önümleriň ownuk böleklerini biri-birine laýyk kesip, oýup, jebis getirip geýdirmek. (suňşurylan bölekler agaç ýa-da demir çüý bilen çüýlenýär ýa-da ýelimlenýär). *Susagyň sapy käbir ýagdaýda aýratyn ýasalyp, susagyň arka ýüzüne kertilip suňşurylýar*.

**SUPRA** [supuro], *at.* Saçak. *Jomart ogly supra ýaýyp, aş döker* (Magtymguly). *Ýoklukda kem bolsa suprada nany, Goç ýigit gam çeker mydama, begler* (Kätibi).

**SUR** [su:r] **I**, *syp.* Goňur ýa-da çalymtyk altyn reňk öwüsýän gymmat baha bagana. *Sur bagana.*

**SUR** [su:r] **II**, *at, k.d.* Şahdan ýasalan surnaý. *Ysrafyl suruny çalsa gerekdir* (Magtymguly).

**SURAT** [su:rot], *at.* **1**. Biriniň, bir zadyň çekilen ýa-da surat düşürilýän guralda alnan şekili. *Ol diwardaky surata seretdi.* **2**. Göz öňüne getirilýän şekil, waka we ş.m. zat. *Şol surat onuň göz öňüne geldi.*

◊ **Surat ýaly** owadan, gelşikli. *Surat ýaly çaga.*

**SURATÇY** [su:rotçy], *at.* Surat almak, surat çekmek bilen meşgullanýan adam.

**SURATÇYLYK** [su:rotçuluk], *at.* Sungatyň surat çekmek ugry.*Suratçylyk sergisi.*

**SURATDA** [su:rotdo], *hal.* Ýagdaýda, görnüşde. *Oňa gyssagly suratda çykyşyny taýýarlamak tabşyryldy.*

**SURATKEŞ** [su:rotkeş], *at.* Galam ýa-da dürli ýagly reňkler, akwarel we ş.m. bilen surat çekýän adam.

**SURATKEŞLIK** [su:rotkeşlik], *at.* **1**. Suratkeşiň käri, ýagdaýy. *Köňül gözgüsine ýaryň adyny, Suratkeşlik edip çyzmaly boldum* (Magtymguly). **2**. Surat çekmek hünärine degişli. *Suratkeşlik mekdebi.*

**SURATLANDYRMA** [su:rotlonnurmo], *iş ady.* Suratlandyrmak ýagdaýy.

**SURATLANDYRMAK** [su:rotlonnurmok], *işl.* Çeper dil bilen suratyny çekmek, obrazly şekillendirmek.

**SURATLANDYRMAKLYK** [su:rotlannurmokluk], *iş ady.* Suratlandyrmak ýagdaýy.

**SURATLANDYRMAZLYK** [su:rotIonnurmozluk], *iş ady.* Çeper dil bilen suratyny çekmezlik, obrazly şekillendirmezlik; görkezmezlik.

**SURATLANDYRYBERMEK** [su:rotlonnuruvermek], *işl.* Suratlandyryp, görkezip başlamak.

**SURATLANDYRYLMAK** [su:rotlonnurulmok], *işl.* Çeper dil bilen suraty çekilmek, obrazly şekillendirilmek; görkezilmek. *Bu hadysa Magtymgulynyň birnäçe goşgusynda aýdyň suratlandyrylýar* ("Edebiýat we sungat").

**SURATLANDYRYŞ** [su:rotlonnuruş], *iş ady.* Suratlandyrmak ýagdaýy.

**SURAÝY** [sura:ýy], *at, k.d.* Suw, şerap guýulýan uzyn bokurdakly owadan gap. *Suraýy gerdende, bykynda, bilde* (Kemine).

**SURNAÝ** [surna:ý / surnoý], *at.* Turba görnüşli, ýogyn sesli, misden ýasalan saz guraly. *Surnaý çalyp, nagra kakyp şadyýan, Dokuz gündür döwran sürdi köşgünde* (Mollanepes).

**SURNAÝÇY** [surna:ýçy / surnoýçy], *at.* Surnaý çalýan adam. *Öňde barýan surnaýçy we deprekçi ýöriş sazyny çalýardy*

**SURNUGYBERMEK** [surnuğuvermek], *işl.* Surnugyp başlamak.

**SURNUGYŞ** [surnuğuş], *iş ady.* Surnukmak ýagdaýy.

**SURNUGYŞMAK** [surnuğuşmak], *işl.* Birnäçe adam surnukmak. *Uzak ýoldan surnugyşyp gelmek.*

**SURNUKDYRMAK** [surnukdurmok], *işl.* Surnukmak katdyna ýetirmek, surnukmaga mejbur etmek. *Uzak ýol, ine-gana iýip-içip bilmezligimiz bizi gaty surnukdyrdy.*

**SURNUKDYRYJY** [surnukdurujy], *syp.* Halys ediji, gaty ýadadyjy, güýçden gaçyrýan.

**SURNUKMA** [surnukmo], *iş ady.* Surnukmak ýagdaýy.

**SURNUKMAK** [surnukmok], *işl.* Aç-suwsuz halys bolmak.

**SURNUKMAKLYK** [surnukmokluk], *iş ady.* Surnukmak ýagdaýy.

**SURNUKMAZLYK** [surnukmozluk], *iş ady.* Gaty ýadamazlyk, halys bolmazlyk.

**SUST**, *syp.* **1**. Göwnüçökgün, keýpsiz, gamgyn, tukat. *Sen sust görünýärsiň.* **2**. *göç.m.* Sesini-üýnüni çykarman, ýuwaş, hiç zat täsir etmeýän görnüşde. *Ol sust görünýärdi.*

◊ **Sustuň basylmak** ruhy taýdan basyş astynda bolmak, gaty çekinmek. *Köpçülikden susty basylany üçin, sesini çykarman otyrdy. Işden sustuň basylmak.*

**SUSAK** [susok], *at.* Söwüt, garagaç ýaly gaty agaçlardan ýonulyp ýasalýan uzyn saply, uly çemçe görnüşli gural (suwuk nahar guýmak, susup almak üçin ulanylýar).

◊ **Susagyň sapy ýetmek** bir zadyň hojaýyny bolmak, erk-ygtyýaryny eliňe almak.

**SUSAKLABERMEK** [susokla:vermek], *işl.* Susak bilen susup alybermek, susak bilen susup guýubermek.

**SUSAKLAMA** [susoklomo], *iş ady.* Susaklamak ýagdaýy.

**SUSAKLAMAK** [susoklomok], *işl.* Susak bilen susup almak; susak bilen susup guýmak. *Çemçeläp ýygnanymy susaklap dökmeli boldy.*

**SUSAKLAMAKLYK** [susoklomokluk], *iş ady.* Susaklamak ýagdaýy.

**SUSAKLAŞMAK**[susokloşmok], *işl.* Birnäçe bolup susaklap almak, susak bilen almak.

**SUSAKLATMAK** [susoklotmok], *işl.* Susak bilen susup aldyrmak, susak bilen susup guýdurmak. *Suwy susakladyp guýdurdym.*

**SUSAKLAÝYŞ** [susokloýuş], *iş ady.* Susaklamak ýagdaýy.

**SUSAWAÇ** [susowa:ç], *at, gepl.d., ser.* **Susguç**.

**SUSDURMAK**[sussurmok], *işl.* Susak, susguç bilen susup aldyrmak.

**SUSGUÇ** [susğuç], *at.* **1**. Galla, un ýaly zatlary susup almak üçin tüneke demirden agaç sap oturdylyp ýasalýan enjam. **2**. *teh.* Her hili mehanizmlerde susup almak üçin uly gap. *Ekskowatoryň susgujy.*

**SUSGUÇLABERMEK** [susğuşla:vermek], *işl.* Susguç bilen susup alybermek.

**SUSGUÇLAMA** [susğuşlomo], *iş ady.* Susguçlamak ýagdaýy.

**SUSGUÇLAMAK** [susğuşlomok], *işl.* Susguç bilen susup almak.

**SUSGUÇLAMAKLYK** [susğuşlomokluk], *iş ady.* Susguçlamak ýagdaýy.

**SUSGUÇLAÝYŞ** [susğuşloýuş], *iş ady.* Susguçlamak ýagdaýy.

**SUSLAÇ** [susloç], *syp.* Birneme sus, keýpsiz görünýän, gamgyn, tukat. *Ol suslaç seslendi.*

**SUSLANMAK** [suslonmok], *işl.* Çökgün göwünli bolmak, keýpsizlenmek, tukatlanmak. *Ol suslandy.*

◊ **Suslanan ýaly bolmak** bar zadyň sesi galmak, dym-dyrslyk aralaşmak. *Töwerek suslanan ýaly boldy.*

**SUSLAŞMAK** [susloşmok], *işl.* **1**. Belli bir derejede susluk aralaşmak, keýpiň gaçyp başlamak, tukatlyk aralaşmak. **2**. *göç.m.* Ýuwaşap başlamak. *Biraz suslaşan hereket gaýnap başlady.*

**SUSLUK**, *at.* Sus ýagdaýda bolmaklyk (*sus* sözüniň **1-nji, 2-nji** manylary boýunça).

**SUSMA** [susmo], *iş ady.* Susmak ýagdaýy.

**SUSMAK** [susmok], *işl.* Susak, susguç bilen susup almak.

**SUSMAKLYK** [susmokluk], *işl.* Susmak ýagdaýy.

**SUSMAZLYK** [susmozluk], *iş ady.* Susup almazlyk.

**SUSRAK** [susura:k], *syp.* Birneme sus, azda-kände sus. Göwnüme bolmasa, goýnumyz susrak görünýär.

**SUSSUPES**, *syp.* Göwni çökgün, şähdaçyk däl, keýpsiz, gamgyn, tukat.

**SUSSUPESLIK**, *at.* Sussupes ýagdaýly bolmaklyk. *Hiç mahal sussupeslik etmäň.*

**SUSUBERMEK** [susuvermek], *işl.* Susup ugramak, susup başlamak.

**SUSULMAK** [susulmok], *işl.* Susak, susguç bilen susmak arkaly alynmak. *Gazandan iki ýola susulyp alnan nahar jamy doldurdy.*

**SUSUŞ**, *iş ady.* Susmak ýagdaýy.

**SUSUŞMAK** [susuşmok], *işl.* Birnäçe bolup susmak.

**SUW**, *at.* **1**. Wodorodyň we kislorodyň himiki birleşmesi, reňksiz dury suwuklyk. *Suw akar, daş galar, ýat gider – garyndaş galar* (Atalar sozi). **2**. Gök önümlerden, miwelerden sykylyp alnyýan suwuklyk. *Alma suwy. Käşiriň suwy. Üzümiň suwy. Hyýaryň suwy. Şugundyryň suwy.*

◊ **Suwa girip, suwdan gury çykmak** her bir zatdan baş alyp çykyp bilmek. **Suwa salma etmek** pugta ýençmek, urmak. **Suwa söýenmek** biderek adama bil baglamak, ynanmak. **Suw bermek** pyçak, gylyç ýaly sowuk ýaraglar ýasalanda, taplananda olaryň berk bolmagy üçin gyzdyryp suwa, ýaga taşlamak usuly. **Suw içen ýaly** ökde. **Suw içim salym (wagt)** örän az wagt, sähelçe wagt. *Suw içim salym geçmänkä, yzymyza dolandyk.* **Suw ogurlamak** ýara azyp, içine iriň ýygnanmak, beterlemek. **Suw seňrikden agmak** boljak iş bolmak, bolup gutarmak. **Suw sepilen ýaly bolmak** galmagal, gürrüň birden ýatmak. **Suwuna degmek** **1)** birine pugta käýemek, birini ýençmek, urmak. *Ol Geldiniň suwuna degdi.* **2)** seýislemek maksady bilen aty suwa ýakyp, uzak bolmadyk aralyga çapdyrmak. **Suwuny almak** öň suw berlip ýasalan zady otda gyzdyryp ýumşadyp, soň işlemek, bejermek. **Suwy düzgün etmek** suwy pellere, joýalara akar ýaly etmek. **Suwy süýjemek** bişip ugramak. *Suwy süýjän üzüm.* **Suwy ters akdyrmak** ökde, sowatly bolmak. **Suw ýaly çaga** örän ýaşajyk çaga. **Suw ýaly okamak** sakynman, örän gowy okap bilmek. **Suw ýaly ýarag** örän göni hem oňat atýan ýarag, hiç kemi bolmadyk ýarag. **Üzümiň suwy ýaly** *ser.* **Üzüm**.

**SUWABERMEK** [suwa:vermek], *işl.* Suwap başlamak.

**SUWAG** [suwoğ], *at.* Saman, topur we ş.m. suw bilen garylyp, diwaryň ýüzüne çalynýan palçyk. *Tama suwag çekdi. Gara suwag. Şire suwag.*

**SUWAGÇY** [suwoğçy], *at.* Suwag işi bilen meşgullanýan gurluşykçy ussa.

**SUWALMAK** [suwolmok], *işl.* Diwaryň, jaýyň we ş.m. ýüzüne suwag çekilmek.

**SUWAMA** [suwomo], *iş ady.* Suwamak ýagdaýy.

**SUWAMAK** [suwomok] **I** , *işl.* Diwaryň, jaýyň we ş.m. ýüzüne suwag çekmek. *Ussadiwary gilmala bilen suwaýar.*

**SUWAMAK** [suwomok] **II**, *işl., ser.* **Suwgarmak.** Suwuk ýagdaýa geçmek, goýulygyny ýitirmek. *Ýarma suwapdyr.*

**SUWAMAKLYK** [suwomokluk], *iş ady.* Suwamak ýagdaýy.

**SUWAMAZLYK** [suwomozluk], *iş ady.* Suwamak işi ýerine ýetirilmezlik.

**SUWARA** [suwa:ra], *syp.* Gowy bilýän, ökde (dil hakynda).

**SUWARMA** [suwormo], *iş ady.* Suwarmak ýagdaýy.

**SUWARMAK** [suwormok], *işl.* **1**. Ýere, ekine suw tutmak, suw goýbermek, suwa ýakmak. **2**. Polatdan gyzdyrylyp ýasalýan pyçak, päki, palta, teşe ýaly zatlar taýýar bolandan soň, ýüzi gaýtmazlyk üçin olary ýokary derejede gyzdyryp, sowuk suwa ýa-da ýaga salyp goýmak.

**SUWARMAKLYK** [suwormokluk], *iş ady.* Suwarmak ýagdaýy.

**SUWARMAZLYK** [suwormozluk], *iş ady.* Suwarmak işini ýerine ýetirmezlik.

**SUWARTMAK** [suwortmok], *işl.* Suwarmak işini başga birine etdirmek.

**SUWARYBERMEK** [suworuvermek], *işl.* Suwaryp başlamak.

**SUWARYLMAK** [suworulmok], *işl.* Suw tutulmak, suw berilmek. *Suwarylan ekin. Suwarylan joýa.*

**SUWARYM** [suworum], *at.* Suwa ýakylma, suw berilme, suw goýberilme (ýer hakynda). *Şu tutýan suwuň gowaçanyň näçenji suwarymy?*

**SUWARYMLY** [suworumly], *syp.* Suwarylyp ekin ekilýän. *Suwarymly ýerler.*

**SUWARYŞ** [suworuş], *iş ady.* Suwarmak ýagdaýy.

**SUWARYŞMAK** [suworuşmok], *işl.* **1**. Suwarmaga kömek etmek. *Ol kakasyna kärende ýerini suwaryşdy.* **2**. Bilelikde suwarmak. *Olar ýerlerini suwaryşyp ýör.*

**SUWAŞDYRMAK** [suwoşdurmok], *işl.* Birnäçe ýerini suwap çykmak. *Haýatyň ýykylan ýerlerini suwaşdyrmak.*

**SUWAŞMAK** [suwoşmok], *işl.* **1**. Birine suwamaga kömekleşmek. *Jaýyň diwarlaryny suwaşmak.* **2**.Bilelikde suwamak. *Adamlar jaýyň daşyny suwaşyp durdular.*

**SUWATMAK** [suwotmok], *işl.* Suwamak işini başga birine etdirmek. *Indi jaýyň diwarlaryny suwatmak galdy.*

**SUWAÝYŞ** [suwoýuş], *iş ady.* Suwamak ýagdaýy.

**SUWBURÇY** [suwvurçy], *at.* Dag eteklerinde we derýa ýakalarynda ösýän, dermanlyk ösümlik.

**SUWÇY,** *at.* **1.** Ýer suwarmak bilen meşgul bolýan adam. **2**. *gepl.d.* Suw getirip berýän kömekçi. *Esli wagt traktorçynyň suwçusy bolup işledim* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *gepl.d.* Agyz suwuny getirip satýan adam. *Bize-de suw getireweri, suwçy.*

**SUWÇULYK** [suwçuluk], *at.* Suw tutýanyň, suwçynyň käri, ýagdaýy. *Men ýylyň başyndan aýagyna çenli suwçulyk edýärin.*

**SUWGARMAK** [suwğormok], *işl.* Goýy görnüşden suwuk hala geçmek, suwuk bolmak.

**SUWGUŞY** [suwğuşy], *at.* Petekesi akja, uzyn inçe aýakly, suwda ýaşaýan guş.

**SUWJARMA** [suwjormo], *iş ady.* Suwjarmak ýagdaýy.

**SUWJARMAK** [suwjormok], *işl.* **1**. Sähelçe suwuklyk, nem çykyp durmak. *Ýarasy suwjaryp dur.* **2**. *göç.m.* Suwjuklyk etmek, batnyksyz bolmak. *Uly adam suwjaryp dursa, gaty gelşiksiz görünýär.*

**SUWJARMAKLYK** [suwjormokluk], *iş ady.* Suwjarmak ýagdaýy.

**SUWJARMAZLYK** [suwjormozluk], *iş ady.* Suwjaryp durmazlyk.

**SUWJARTMAK** [suwjortmok], *işl.* Suwjuklyk, suwumsyzlyk etdirmek, batnyksyz boldurmak. *Sen gürrüňiňi gaty bir suwjartmasana.*

**SUWJARYBERMEK** [suwjoruvermek], *işl.* Suwjaryp başlamak.

**SUWJARYLMAK** [suwjorulmok], *işl.* Suwjuklyk, suwumsyzlyk edilmek, batnyksyz bolunmak. *Suwjarylmak bilen işiň bitmeýändigini siz menden gowurak bilýänsiňiz.*

**SUWJARYŞ** [suwjoruş], *iş ady.* Suwjarmak ýagdaýy.

**SUWJUGRAK** [suwjuğra:k], *syp.* Kilçigräk, batnyksyzrak. *Suwjugrak söz.*

**SUWJUK,***syp.* Kilçik, batnyksyz. *Suwjuk geplemek. Suwjuk adam.*

**SUWJUKLYK** [suwjukluk], *at.* Suwjugyň ýagdaýy, suwumsyzlyk, kilçiklik. *Onda ne galmagal bar, ne-de suwjuklyk* ("Edebiýat we sungat").

**SUWKESER,** *at.* Gäminiň, uly gaýygyň baş tamazyna ýüzi ýukaldylyp, dik berkidilen tagta.

**SUWKÄDI** [suwkä:di], *at.* Içine suw guýulýan kädi.*Gadym wagtlarda gyzlar suwkädisini egnine göterip, suwa gider ekenler.*

**SUWKÜÝZE** [suwküýzö], *at.* Suw guýmak üçin ulanylýan uly bolmadyk küýze. *Kerwenler üç günigeçirip, dördünji güni gitmekçi bolanlarynda, olaryň bir suwküýzeleriniň gulpy döwlüpdir* ("Türkmen halk ertekileri").

**SUWLABERMEK** [suwla:vermek], *işl.* Suwlap başlamak, dowamly suwlamak. *Eliňe bedräni al-da, gapyny suwlaber.*

**SUWLAK** [suwlok], *at, kön.s.*Suwly, çeşmeli ýer. *Hem suwlagym, şikärgähim sen idiň* ("Ýusup – Ahmet").

**SUWLAMA** [suwlomo], *iş ady.* Suwlamak ýagdaýy.

**SUWLAMAK** [suwlomok], *işl.* **1**. Suw sepip öllemek, suw sepmek. *Töweregi suwladyk.* **2**. *şahyr.* Suw içmek. *Serhowuzdan suwlamadan galypsyň, Hasabyň bolupdyr demden, araby* (Baýly şahyr).

**SUWLAMAKLYK** [suwlomokluk], *iş ady.* Suwlamak ýagdaýy.

**SUWLAMAZLYK** [suwlomozluk], *iş ady.* Suw sepip öllemezlik, suw sepmezlik.

**SUWLANMAK** [suwlonmok], *işl.* **1**. Suw sepip öllenmek, suw sepilmek. *Gündizden suwlanyp, howlynyň meýdançasy arassalanypdyr.* **2**. *göç.m.* Birneme daýanmak, ýüzi reňkine gelmek. *Onuň ýüzi suwlanana meňzeýär.* **3**. Suw içip ganmak, suw içmek. *Aždarhadyr, marlarydyr güwlener, Aýrak, goç, ak maral munda suwlanar* (Misgingylyç). *Ýaz paslynda bezenersiň al-elwan, Suwlanar çeşmäňde ýüz dürli haýwan* (Baýly şahyr).

**SUWLAŇ** [suwloň], *syp.* **1**. Suwuk (nahar hakda). *Nahar suwlaň bolupdyr.* **2**. Heniz eti-gany berkäp ýetişmedik, suw ýaly (çaga hakda). *Suwlaň çaga.*

**SUWLAŇJA** [suwloňjo], *syp.* Ýaşajyk, näzijek. *Başy ýaglykly, garagözelek, suwlaňja gyza gözi düşdi* ("Edebiýat we sungat").

**SUWLAŇRAK** [suwloňura:k], *syp.* Suwugrak (nahar hakda).

**SUWLAŞMAK** [suwloşmok], *işl.* **1**. Suwlamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup suwlamak. *Gelinler daşaryny suwlaşyp ýörler.*

**SUWLATMAK** [suwlotmok], *işl.* Suwlamak işini başga birine etdirmek. *Bagyň aşagyny suwlatmak.*

**SUWLAÝYŞ** [suwloýuş], *iş ady.* Suwlamak ýagdaýy.

**SUWLUGYBERMEK** [suwluğuvermek], *işl.* Ýeriň üstki gatlagynyň içi bilen süýnüp gidibermek (azal, plug hakynda).

**SUWLUGYŞ** [suwluğuş], *iş ady.* Suwlukmak ýagdaýy.

**SUWLUK I,***syp.* Suwy bol, suwy köp, bol suwly. *Olaryň ýurdy suwluk ýurt.*

**SUWLUK II,** *at.* Uýanyň atyň agzyna salynýan halkaly demri, agyzzyryk. *Meniň atymyň suwlugy çykypdyr* ("Görogly").

**SUWLUKMA** [suwlukmo], *iş ady.* Suwlukmak ýagdaýy.

**SUWLUKMAK** [suwlukmok], *işl.* Ýeriň üstki gatlagynyň içi bilen süýnüp, ýumlugyp gitmek (azal, plug hakynda). *Suwlugyp barşyna, ýeri aňsatlyk bilen agdaryşyna guwandy.*

**SUWLUKMAKLYK** [suwlukmokluk], *iş ady.* Suwlukmak ýagdaýy.

**SUWLUKTORBA** [suwlukto:rvo], *at.* Içine iýer-içer ýaly zatlar we ş.m. salnyp, ýanyň bilen göterilýän torba.

**SUWLUKÝOL** [suwlukýo:l], *at, gepl.d.* Uzak ýola gidilende – suw içmek üçin düşlenýän iki düşelgäniň aralygyny aňladýan aralyk, uzaklygyň takmyn ölçegi.

**SUWLULANDYRMAK** [suwlulonnurmok], *işl.* Ýap, howdan we ş.m. arkaly ýerlere suw eltmek, suw bermek, suw bilen üpjün etmek. *Etraby suwlulandyrmak hakynda edilen iş bijaý köp.*

**SUWLULANDYRMAZLYK** [suwlulonnurmozluk], *iş ady.* Ýap, howdan we ş.m. arkaly ýerlere suw eltmezlik, suw bermezlik, suw bilen üpjün etmezlik.

**SUWLURAK** [suwlura:k], *syp.* Düzüminde suwy köpräk. *Şu almalaryň-a öňkülerden suwlurak.*

**SUWLUŞ,** *iş ady.* Suwulmak ýagdaýy.

**SUWLY**, *syp.* **1**. Düzümindäki suwy ýeterlik, ter. *Hyýar örän ter, hem suwly bolýar.* **2**. *göç.m.* Sowuk ýarag we ş.m. ýasalandan soň gyzdyrylyp, berk bolmagy üçin gyzgynlygyna sowuk suwa, ýaga batyrylyp taplanan, suw berlen.

◊ **Suwly äkidip, suwsuz getirmek** hilegärlik etmek, mekirlik edip, gaty aldamak, aldap işiňi görmek.

**SUWOTY,** *at.* Suwluk ýerlerde gögerýän uzyn inçe ýaprakly, başy seçelenip duran däneli ösümlik.

**SUWÖLÇEÝJI** [suwölçöýjü], *at.* Harçlanýan suwuň mukdaryny ýa-da onuň akyş derejesini ölçemek üçin ulanylýan gural.

**SUWSABERMEK** [suwsa:vermek], *işl.* Suwsap başlamak, suwsap ugramak.

**SUWSALMAK** [suwsolmok], *işl.* Suw içesiň gelmek, suwsuzlygyň, teşneligiň duýulmak.

**SUWSAMA** [suwsomo], *iş ady.* Suwsamak ýagdaýy.

**SUWSAMAK** [suwsomok], *işl.* **1**. Suw içesiň gelmek, suwsuzlygyňy duýmak, teşneligiňi duýmak. **2**. Suwy kem bolmak, suw ýetmezlik etmek (ösümlik, ekin hakda).

**SUWSAMAKLYK** [suwsomokluk], *iş ady.* Suwsamak ýagdaýy.

**SUWSAMAZLYK** [suwsomozluk], *iş ady.* **1**. Suw içesiň gelmezlik, suwsuzlygyňy duýmazlyk, teşneligiňi duýmazlyk. **2**. Suwy kem bolmazlyk, suw ýetmezlik etmezlik (ösümlik, ekin hakynda).

**SUWSAŞMAK** [suwsoşmok], *işl.* **1**. Bile suwsamak. *Olar meýdandan suwsaşyp geldiler.* **2**. Suwy kem
bolmak, suw ýetmezlik etmek (ösümlikler, ekinler hakda).

**SUWSATMAK** [suwsotmok], *işl.* **1**. Suwsar ýaly etmek, suwsamak derejesine ýetirmek. *Gawun-garpyz pazyllaryny düwünçege durmazyndan öň az-kem suwsatsaň, hasyly gowy bolýar.*

**SUWSAÝYŞ** [suwsoýuş], *iş ady.* Suwsamak ýagdaýy.

**SUW-SIL** [suw-si:l], *hal.* Bütin töwerege ýaýraýan bol suw. *Birdenem asman ähli suwuny döken ýaly, dünýäni suw-sil edip, çabga geldi...* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Älem içre at gezer). *Ýagan ýagyş töweregi suw-sil etdi.*

**SUW-SÖL**, *at*, *gepl.d.* **Suw**.*Öýde suw-sölem ýok eken.*

**SUWSURAMAK** [suwsuromok], *işl., ser.* **Suwsamak.** *Gawun pazyllary suwsurap, ýapraklaryny sallaşyp otyrlar.*

**SUWSUZ**, *syp*. **1**. Düzüminde suwy, şiresi az, ter däl. *Suwsuz alma*. **2**. Suwsaýan, suw isleýän. *Özüniň açdygyna, suwsuzdygyna garaman, ökjesi ýeňledi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Suw içmän, suwa ýakylman, teşne. *Düýe bir hepdeläp suwsuz oňup bilýär.* **4**. Suw akmaýan, guran. *Suwsuz ýap. Suwsuz guýy.*

**SUWSUZLYK** [suwsuzluk], *at*. Suw ýetmezlik, suwsamaklyk.

**SUWSUZRAK** [suwsuzura:k], *syp*. Azda-kände suwsuz.

**SUWUDYLMAK** [suwudulmok], *işl*. Goýy halyndan suwuk halyna getirilmek, suwly edilmek, suwgardylmak.

**SUWUDYŞ** [suwuduş], *iş ady*. Suwutmak ýagdaýy.

**SUWUDYŞMAK** [suwuduşmok], *işl*. Goýy halyndan suwuk halyna getirişmek, suw ýaly edişmek.

**SUWUGRAK** [suwğura:k], *syp*. Иolmalysyndan suwy köpräk.

**SUWUK,** *syp*. **1**. Akmaga, guýulmaga ukyby bolan, ergin. *Biziň gözümiz ýody suwuk görnüşinde görmäge öwrenişipdir.* **2**. Goýy däl, köp suw garylan. *Suwuk gatyk*. **3**. *göç.m.,ser.* **Suwjuk**. *Suwuk adam*.

◊ **Suwuk ýangyç** nebit önümleri. *Her gije-gündizde ýüzlerçe tonna suwuk ýangyç çykarylýar.*

**SUWUKLYK** [suwukluk], *at*. **1**. Jisimiň akyp, guýlup bilijilik ýagdaýy, erginlik. *Suwuklyk läbige öwrüldi*. **2**.Suwuk ýagdaýda bolmaklyk, goýy dällik. *Laýyň suwuklygy*. **3**.*göç.m., ser.* **Suwjuklyk**. *Suwuklyk ýaramaz gylyk*.

**SUWULGAN** [suwulğa:n], *at*. Hažžyk pisint uzyndan inçe guýrukly süýreniji.

**SUWULMA** [suwulmo], *iş ady*. Suwulmak ýagdaýy.

**SUWULMAK** [suwulmok], *işl*. Ýeriň ýüzünden süýnüp gitmek. *Ýylan suwlup geçdi*.

**SUWUMSYZ** [suwumsuz], *syp., ser.* **Süwümsiz**.

**SUWUMSYZLYK** [suwumsuzluk], *at, ser.* **Süwümsizlik**.*Şunuň suwumsyzlygy aýryljak däl.*

**SUWUMSYZRAK** [suwumsuzura:k], *syp., ser.* **Süwümsizräk**.

**SÜBSE** [süvsö], *at*. Öý, düşek we ş.m. süpürmek üçin sübselikden we ş.m. boglup taýýarlanýan enjam.

◊ **Sübse bogmak** haýsy hem bolsa bir mesele boýunça belli bir netijä gelmek. **Bogan sübsesi bolmazlyk** ýüze tutar ýaly iş bitirip bilmezlik, elinden zat gelmezlik. *Näçe öwünse-de, bogan sübsesi bolmady.*

**SÜBSEGÄR** [süvsöğä:r], *at, gepl.d.* Sübse bilen ýer süpürip işleýän adam. *Sübsegär biziň üçinem alada etme kemini goýmady* ("Edebiýat we sungat")

**SÜBSEGÄRLIK** [süvsöğä:rlik], *at,gepl.d.* Sübsegäriň ýagdaýy, käri.

**SÜBSELEME** [süvsölömö], *iş ady*. Sübselemek ýagdaýy.

**SÜBSELEMEK** [süvsölömök], *işl*. Sübse bilen süpürmek, sübse çalmak. *Oturjak ýeriňi sübseledi.*

**SÜBSELEMEZLIK** [süvsölömözlük], *iş ady*. Sübse bilen süpürmezlik, sübse çalmazlyk.

**SÜBSELENMEK** [süvsölönmök], *işl*. Sübse bilen süpürilmek, sübse çalynmak.

**SÜBSELEŞMEK** [süvsölöşmök], *işl*. **1**. Sübselemäge kömekleşmek. *Howlyny suwlaşdyk, sübseleşdik*. **2**. Birnäçe bolup sübselemek. *Gyzlar howlyny sübseleşip ýör*.

**SÜBSELETMEK** [süvsölötmök], *işl*. Sübselemek işini başga birine etdirmek.

**SÜBSELEÝIŞ** [süvsölöýüş], *iş ady*. Sübselemek ýagdaýy.

**SÜBSELÄBERMEK** [süvsölä:vermek], *işl*. Sübseläp başlamak.

**SÜBSELIK** [süvsölük], *at*. Mekgejöwenler maşgalasyndan bolan, başy seçelenip duran däneli, uzyn-uzyn inçe baldakly sübse edilýän ösümlik. *Sübselik ekmek*.

**SÜDENEKLEMEK** [südönöklömök], *işl., ser.* **Südürlemek**.

**SÜDENEKLETMEK** [südönöklötmök], *işl., ser.* **Südürletmek**. *Çyk, how, şu taýdan, ýeňsäňden südenekletmejek bolsaň* ("Edebiýat we sungat").

**SÜDÜRDIKLEME** [südürdüklömö], *iş ady*. Südürdiklemek ýagdaýy.

**SÜDÜRDIKLEMEK** [südürdüklömök], *işl*. Itip, çekip ýöretmek, süýräp, iteläp äkitmek.

**SÜDÜRDIKLEMEZLIK** [südürdüklömözlük], *iş ady*. Itip, iteläp, öňe ýöretmezlik, öňe itermezlik.

**SÜDÜRDIKLENMEK** [südürdüklönmök], *işl*. Itilip, çekilip ýöredilmek, süýrelip, itelenip äkidilmek.

**SÜDÜRDIKLETMEK** [südürdüklötmök], *işl., ser.* **Südürdiklemek**.

**SÜDÜRDIKLEÝIŞ** [südürdüklöýüş], *iş ady*. Südürdiklemek ýagdaýy.

**SÜDÜRLEMEK**[südürlömök],*işl.,ser.* **Südürdiklemek.**

**SÜDÜRLEMEZLIK** [südürlömözlük], *iş ady*. Itip, çekip ýöretmezlik, süýrelip, itelenip äkitmezlik.

**SÜDÜRLETMEK** [südürlötmök], *işl*. Südürlemäge ýol bermek. *Südürletmejek bolsaň, garaň görünmesin.*

**SÜDÜRLEÝIŞ** [südürlöýüş], *iş ady*. Südürlemek ýagdaýy.

**SÜLÇI** [sülçü], *at*. Jenaýatlaryň üstüni açmak üçin deslapky derňew geçirýän wezipeli adam.

**SÜLÇÜLIK** [sülçülük], *at*. Sülçiniň käri, ýagdaýy.

**SÜLE** [sülö] **I**, *at*. Dänesi iým ýa-da ýarma üçin peýdalanylýan ýazlyk ak ekin. *Ekerançylar bugdaý, arpa, şaly, süle, jöwen ekýärler.*

**SÜLE** [sülö] **II: sülä gelmek (getirmek)** delil bolar ýaly etmek, delile getirmek. *Sülä geler ýaly edip aýdan bolsaň bolýar.*

**SÜLEKEÝ** [sülököý], *at*. Agyz, bokurdak mäzleriniň gatnaşmagynda döreýän suwuklyk.

**SÜLELIK** [sülölük], *at*. Süle ekilen meýdan.

**SÜLGÜN** [sülğün], *at*. **1**. Towuklar maşgalasyndan bolan meýdan guşy, ýabany towuk. *Birdenkä, sülgün güsürdäp galdy.* **2**. Gyza dakylýan at.

**SÜLLERIBERMEK**[süllörüvermek], *işl.* Süllerip başlamak.

**SÜLLERIŞ** [süllörüş], *iş ady.* Süllermek ýagdaýy.

**SÜLLERIŞMEK** [süllörüşmök], *işl.* Süllermek katdyna ýetmek (köp zat, köp adam hakynda).

**SÜLLERME** [süllörmö], *iş ady.* Süllermek ýagdaýy.

**SÜLLERMEK** [süllörmök], *işl.* **1**. Suwsuzlyk, yssylyk sebäpli ösümlikleriň terligi gaçyp, ýapraklary sallanmak. *Günortanlar ýapraklar birneme sülleýärdi.* **2**. *göç.m.* Güýçden, kuwwatdan gaçyp gowşamak, ysgyndan düşmek. **3**. Keýpsizlik, ýarawsyzlyk zerarly ýüzüňi sallamak. *Näme, beýdip süllerip otyrsyň?*

**SÜLLERMEKLIK** [süllörmöklük], *iş ady.* Süllermek ýagdaýy.

**SÜLLERMEZLIK** [süllörmözlük], *iş ady.* Süllermek katdyna ýetmezlik.

**SÜLLERTMEK** [süllörtmök], *işl.* **1**. Suwsuzlyk, yssylyk sebäpli ösümlikleriň terligini gaçyrtmak. *Suw tutman, gowaçany süllerdipsiň!* **2**. Güýçden, kuwwatdan gaçyryp gowşatmak, ysgyndan düşürmek.

**SÜLLÜMBAÝ** [süllümma:ý]**: süllümbaý bolmak (etmek) 1)** ýagşyn aşagynda galyp, boýdan-başa ezilmek, üsti-başyň öl-myžžyk bolmak. *Bärik giräýiň, ýogsa süllümbaý bolarsyňyz!* ("Edebiýat we sungat"). **2)** agyr iş, näsaglyk zerarly derläp, öl-myžžyk bolmak. *Çaga süllümmaý bolup oýandy.*

**SÜLMEK** [sülmök], *işl.* Kenegi ýa-da sürpekaşygy başam hem-de süýem barmaklaryň bilen başga bir aşygy urmak üçin ýerden sürpäp oklamak.

**SÜLMÜREME** [sülmürömö], *iş ady.* Sülmüremek ýagdaýy. *Sülmüreme, näz-kereşme bilen ýigidiň ýüzüne garady.*

**SÜLMÜREMEK** [sülmürömök], *işl.* Ýüzüňi aşak salyp, geplemän asylly görnüşde süzülip, süýnüp-sarkyp oturmak.

**SÜLMÜREMEKLIK** [sülmürömöklük], *iş ady.* Sülmüremek ýagdaýy.

**SÜLMÜREMEZLIK** [sülmürömözlük] *iş ady.* Sülmüräp oturmazlyk.

**SÜLMÜREŞMEK** [sülmüröşmök] *işl.* Birnäçe bolup bilelikde sülmüremek. *Olar esli salym sülmüreşip oturdylar* ("Edebiýat we sungat").

**SÜLMÜRETMEK** [sülmürötmök] *işl.* Sülmüremäge mejbur etmek, sülmürär ýaly etmek. *Aýdylan sözler ony sülmüretdi.*

**SÜLMÜREÝIŞ** [sülmüröýüş], *iş ady.* Sülmüremek ýagdaýy.

**SÜLMÜRÄBERMEK** [sülmürä:vermek], *işl.* Sülmüräp başlamak.

**SÜLPERILMEK** [sülpörülmök|, *işl.* Geýlen geýim giň we uzyn bolup, ýerden süýrenip ýatmak, halparmak.

**SÜLPERIŞMEK**[sülpörüşmök], *işl.* Sülperip durmak (egin-eşikleriň birnäçesi hakynda).

**SÜLPERME** [sülpörmö], *iş ady.* Sülpermek ýagdaýy.

**SÜLPERMEK** [sülpörmök], *işl.* Geýlen geýim giň we uzyn bolup, ýerden süýrenip ýatmak, halparmak.

**SÜLPERMEKLIK** [sülpörmöklük], *iş ady.* Sülpermek ýagdaýy. *Halypa, sülpermeklik, ruhdan gaçmaklyk size gelşenok.*

**SÜLPÜLDEME** [sülpüllömö], *iş ady.* Sülpüldemek ýagdaýy.

**SÜLPÜLDEMEK** [sülpüllömök] *işl.* Uzyn, giň geýim geýip, tagaşyksyz ýöremek.

**SÜLPÜLDEMEKLIK** [sülpüllömöklük], *iş ady.* Sülpüldemek ýagdaýy.

**SÜLPÜLDEMEZLIK** |sülpüllömözlük|, *iş ady.* Sülpüldäp ýöremezlik.

**SÜLPÜLDEŞMEK** [sülpüllöşmök], *işl.* Birnäçe bolup sülpüldäp ýöremek. *Sülpüldeşip nireden gelýärsiňiz?*

**SÜLPÜLDETMEK** [sülpüllötmök] *işl.* Sülpüldemek derejesine ýetirmek, sülpüldeýän görnüşe getirmek.

**SÜLPÜLDEÝIŞ** [sülpüllöýüş], *iş ady.* Sülpüldemek ýagdaýy.

**SÜLPÜLDÄBERMEK** [sülpüllä:vermek], *işl.* Sülpüldäp ugramak, giň geýim geýip tagaşyksyz ýöräbermek.

**SÜLSAT** [sülsa:t], *at, kön.s.*Goşuna gerekli enjamlar.

**SÜLÜK**, *at.* **1**. Haýwanlaryň agzyna, bogazyna ýapyşyp, olaryň ganyny sorup ýaşaýan suw jandary. **2**. Lukmançylykda adamyň hapa ganyny sordurmak üçin peýdalanylýan suw jandary. **3**. *göç.m.* Süýthor, eziji.

◊ **Sülük barmak** inçeden uzyn barmak.

**SÜLÜKLEME** [sülüklömö], *iş ady.* Sülüklemek ýagdaýy.

**SÜLÜKLEMEK** [sülüklömök], *işl.* Esasan, malyň agzyna, bogazyna sülük ýapyşmak, sülük düşmek. *Düýämiz sülükläpdir.*

**SÜLÜKLEMEKLIK** [sülüklömöklük], *iş ady.* Sülüklemek ýagdaýy.

**SÜLÜKLEÝIŞ** [sülüklöýüş], *iş ady.* Sülüklemek ýagdaýy.

**SÜMDÜRMEK** [sümdürmök], *işl.* Sümmäge mümkinçilik döretmek.

**SÜMEK** [sümök] **I**, *at.* Egirmek üçin pişgeden süýri görnüşde süýlüp goýlan ýüň.

**SÜMEK** [sümök] **II**, *at, gepl.d.* Süňk.

◊ **Ite bir sümek bergisi bolmak** köp bergi etmek, berginiň aşagynda galmak.

**SÜMELGE** [sümölğö], *at.* **1**. Sümüp geçilýän geçelge, deşik we ş.m. ýer. *Galanyň sümelgesi.* **2**. *gepl.d.* Öý, tam, kepbe, çatma we ş.m.. *Her kim mal-garasyny ýatagyna salýar-da, öz sümelgesine gidýär.*

**SÜMGÜRINMEK** [sümğürünmök], *işl.* Ikibarmagyň bilen burnuňy çalarak gysyp, onuň deşiklerinden bat bilen howa çykarmak arkaly içini arassalamak. *Ol elýaglygyny çykaryp sümgürindi.*

**SÜMGÜRIŞ** [sümğürüş], *iş ady.* Sümgürmek ýagdaýy.

**SÜMGÜRME** [sümğürmö], *iş ady.* Sümgürmek ýagdaýy.

**SÜMGÜRMEK** [sümğürmök], *işl.* Burundan batly howa çykaryp, dem alyş ýoluny arassalamak.

**SÜMGÜRMEKLIK** [sümğürmöklük], *iş ady.* Sümgürmek ýagdaýy.

**SÜMGÜRMEZLIK** [sümğürmözlük], *iş ady.* Sümgürip durmazlyk.

**SÜMGÜRTMEK** [sümğürtmök], *işl.* Sümgürmek hereketini etdirmek.

**SÜMME** [sümmö] **I: sümme tokaý** ýolsuz-ýodasyz, gür tokaý, jeňňel.

**SÜMME** [sümmö] **II**, *iş ady.* Sümmek ýagdaýy.

**SÜMME** [sümmö] **III**, *at.* Demir deşmek üçin ulanylýan, ujy togalakdan inçe, ýokarsy ýognalyp gidýän polat enjam, gural.

**SÜMMEK** [sümmök], *işl.* **1**. Sümelgeden ýa-da bir deşikden, aralykdan ýapyrylyp, eglip geçmek. **2**. *göç.m.* Bir zadyň içine girmek, içinde ýerleşmek, gizlenmek.

◊ **Sümere deşik tapmazlyk** gaçyp girere ýer tapmazlyk, çykalga tapmazlyk.

**SÜMMEKLIK** [sümmöklük], *iş ady.* Sümmek ýagdaýy.

**SÜMMEN** [sümmön], *at.* Ýaş çaganyň gulaklaryny ýapyp duran gurama tahýasy. *Meniň ballym ýaşynda, Ýaşyl sümmen başynda* (Hüwdü).

**SÜMMÜL I**, *at.* Däneli ekinleriň boý alyp başa durmazynyň öň ýanyndaky görnüşi, tümmül.

**SÜMMÜL II**, *at.* Garpyzyň bişendigini bilmek üçin kesilip alynýan bölek. *Garpyzyň bir ýerinden sümmül almasaň, onuň içiniň nähilidigini bilip bolanok.*

**SÜMMÜLLEME** [sümmüllömö], *iş ady.* Sümmüllemek ýagdaýy.

**SÜMMÜLLEMEK** [sümmüllömök], *işl.* Garpyzyň bişendigini bilmek üçin böwründen ýa-da sapagynyň ýerinden (pelliginden, göweginden) pyçagy çümdürip, bir bölejigini kesip almak.

**SÜMMÜLLEMEKLIK** [sümmüllömöklükl, *iş ady.* Sümmüllemek ýagdaýy.

**SÜMMÜLLEMEZLIK** |sümmüllömözlük|, *iş ady.* Sümmül almazlyk.

**SÜMMÜLLENMEK** [sümmüllönmök], *işl.* Sümmül alynmak. *Sümmüllenen garpyz.*

**SÜMMÜLLETMEK** [sümmüllötmök], *işl.* Sümmül aldyrmak. *Garpyzy sümmülledip görmek.*

**SÜMMÜLLEÝIŞ** [sümmüllöýüş] *iş ady.* Sümmüllemek ýagdaýy.

**SÜMMÜLLÄBERMEK** [sümmüllä:vermek], *işl.* Sümmülläp başlamak.

**SÜMMÜLSUWY**, *at, gepl.d.* Bugdaýa berilýän iň soňky suw. *Bugdaýyň sümmülsuwuny berdik.*

**SÜMRE** [sümrö]**: sümre geýmek** kellä geýilýän geýimi basyp, çümre geýmek. *Ol telpegini sümre geýip, daş çykdy.*

**SÜMRÜBERMEK** [sümrüvermek], *işl.* Sümrüp başlamak.

**SÜMRÜLMEK** [sümrülmök], *işl.* Açgözlük bilen çalt-çaltdan iýilmek.

**SÜMRÜŞ**, *iş ady.* Sümürmek ýagdaýy.

**SÜMRÜŞMEK** [sümrüşmök], *işl.* Köp bolup açgözlük bilen çalt-çaltdan iýilmek.

**SÜMSÜLDEMEK** [sümsüllömök], *işl., gepl.d., ser.* **Sümsünmek**.

**SÜMSÜLE** [sümsülö], *at, zergärç. Uly* gyzlaryň we ýaş gelinleriň tahýalarynyň ýa-da börükleriniň etegine dakynýan uzynja şelpe ýapraklyja düzme bezeg şaýy. *Sümsüleler jyňňyrdaşar.*

**SÜMSÜNIBERMEK** [sümsünüvermek], *işl.* Sümsünip başlamak.

**SÜMSÜNIŞ** [sümsünüş], *iş ady.* Sümsünmek ýagdaýy.

**SÜMSÜNIŞMEK**[sümsünüşmök], *işl.* Birnäçe bolup oslanmaýan ýerde ysyrganyp, kaňkap ýörmek .

**SÜMSÜNME** [sümsünmö], *iş ady.* Sümsünmek ýagdaýy.

**SÜMSÜNMEK** [sümsünmök], *işl.* **1**. Oslanmaýan ýerde ysyrganyp, kaňkap ýörmek, sümüsgenmek. *Nirde näme barka diýip sümsünip ýörme.*

**SÜMSÜNMEKLIK** [sümsünmöklük], *iş ady.* Sümsünmek ýagdaýy.

**SÜMSÜNMEZLIK**[sümsünmözlük], *iş ady.* Sümsünip ýörmezlik.

**SÜMÜBERMEK** [sümüvermek], *işl.* Sümüp başlamak.

**SÜMÜK**, *at.* Burundan gelýän şepbeşik suwuklyk.

**SÜMÜKLI** [sümüklü], *syp.* **1**. Burundan sümügi akyp duran. *Sümükli çaga.* **2**. *göç.m.* Özüni oňarman ýören, nalajedeýin, lellim (oglan hakda). *Bu iş her bir sümükliniň elinden geljek zat däl.*

**SÜMÜLMEK** [sümülmök], *işl.* **1**. Sümelgeden ýa-da bir deşikden, aralykdan ýapyrylyp, eglip geçmek. *Ol sümelgeden sümlüp geçdi.* **2**. Bir zadyň içine girilmek, içinde ýerleşilmek, gizlenmek. **3**. Bir ýere, işe aralaşmak.

**SÜMÜRME** [sümürmö], *iş ady.* Sümürmek ýagdaýy.

**SÜMÜRMEK** [sümürmök] **I**, *işl.* Açgözlük bilen symyşlap iýmek, sygnamak. *Sümrüp oturmak.*

**SÜMÜRMEK** [sümürmök] **II**, *işl.* Başgaby çümre geýmek, üstünden basyp geýmek. *Sowukdan ýaňa telpegini sümrüp geýipdir.*

**SÜMÜRMEKLIK** [sümürmöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Sümürmek ýagdaýy.

**SÜMÜRMEZLIK** [sümürmözlük] *iş ady.* Açgözlük bilen symyşlap iýmezlik.

**SÜMÜŞ**, *iş ady.* Sümmek ýagdaýy.

**SÜMÜŞMEK** [sümüşmök], *işl.* **1**. Birnäçe bolup sümelgeden ýa-da bir deşikden, aralykdan ýapyrylyp, eglip geçip başlamak. **2**. Bir zadyň içine yzly-yzyna sümmek.

**SÜNBÜL** [sümmül], *at.* **1**. *ser.* **Sümmül I**. **2**. *k.d., göç.m.* Söýgüliniň saçy.

**SÜNÇMEK** [sünçmök], *işl., ser.* **Sançmak**.

**SÜNJÜLMEK** [sünjülmök], *işl.* **1**. Sünjülip goýulmak, sanjylyp goýulmak. *Iňňe ýumaga sünjülipdir*. **2**. **Çümmek**. *Tiken sünjülmek.*

**SÜNNET** [sünnöt], *at.* **1**. Däp-dessur, adat, düzgün; Muhammet pygamberden galan dini däp,

kada. *Kyýamat gün güwämiz – sünnet bilen parz dälmi?* (Magtymguly). *Pygamber sünnetin berjaý Kylaýyn diýseň öýlengin* (Magtymguly). **2**. Musulmanlarda ýaşajyk oglanlaryn erkeklik agzasynyň pürçügini kesip aýyrmak däbi.

◊ **Sünnete ýatyrmak** Yslam dinine eýerýän halklarda oglanyň ujudynyň pürçügini kesip aýyrmak. *Oglany sünnete ýatyrdylar.* **Sünnet toýy** çaganyň sünnete ýatyrylmagy mynasybetli geçirilýän toý.

**SÜNNETLEME** [sünnötlömö], *iş ady.* Sünnetlemek ýagdaýy.

**SÜNNETLEMEK** [sünnötlömök], *işl., ser.* **Sünnet: sünnete ýatyrmak.**

**SÜNNETLEMEKLIK** [sünnötlömöklük], *iş ady.* Sünnetlemek ýagdaýy.

**SÜNNETLENMEK** [sünnötlönmök], *işl.* Sünnet edilmek, sünnete ýatyrylmak.

**SÜNNETLETMEK** [sünnötlötmök], *işl.* Sünnet etdirmek, sünnete ýatyrtmak.

**SÜNNETLEÝIŞ** [sünnötlöýüş], *iş ady.* Sünnetlemek ýagdaýy.

**SÜNNÄLEME** [sünnä:leme], *iş ady.* Sünnälemek ýagdaýy.

**SÜNNÄLEMEK** [sünnä:lemek], *işl.* Timarlap, nepis bejermek, tikmek. *Ol örän sünnäläp bejerilen akgaýma tahýady* ("Edebiýat we sungat").

**SÜNNÄLEMEKLIK** [sünnä:lemeklik], *iş ady.* Sünnälemek ýagdaýy.

**SÜNNÄLEMEZLIK** [sünnä:lemezlik], *iş ady.* Sünnäläp ýerine ýetirmezlik.

**SÜNNÄLETMEK** [sünnä:letmek], *işl.* Sünnäli bolar ýaly, sünnälenen derejede bejertmek.

**SÜNNÄLEÝIŞ** [sünnä:leýiş], *iş ady.* Sünnälemek ýagdaýy.

**SÜNNÄLÄBERMEK** [sünnä:lä:vermek], *işl.* Sünnäläp ýerine ýetiribermek.

**SÜNNÄLI** [sünnä:li], *syp.* Sünnälenen, sünnälenip bejerilen. *Sünnäli iş.*

**SÜNNI** [sünnü], *at.* Yslam dininiň adybir mezhebiniň tarapdary, sünnülige eýerýän musulman. *Bu hut Görogly sünniniň özüdir* ("Görogly").

**SÜŇI** [süňü], *at, kön.s.*Naýza.

**SÜŇK**, *at.* **1**. Adam, haýwan bedeniniň daşyna et ören gaty süýekleri. **2**. *göç.m.* Beden, göwre.

◊ **Süňk başyiri** süňkleri iri, süňklek, daýaw, berdaşly (adam hakynda). *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňk başy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer). **Süňk getirmek** malyň aýagy zarbygyp, ownuk süňklerine zyýan ýetip, süňk döremek. **Süňk hossary** adamyň ýakyn dogan-garyndaşlary. **Süňklerinden torba asaýmaly** örän hor, arryk düşen, süňkleri somalyşyp duran. **Süňk tapan it ýaly bolmak** bir zada begenmek, ýylgyrmak. **Süňk (süňňüni) yzarlamak** aslyna, gelip çykyşyna garamak.

**SÜŇKLEGRÄK** [süňklöğürä:k], *syp.* Süňki iriräk.

**SÜŇKLEK** [süňklök], *syp.* Süňki iri, daýaw, daýanykly, süňk başy iri. *Ol süňklek oglandy.*

**SÜŇKLI** [süňklü], *hal, syp.* Süňki köpräk, eti azrak. *Alan etiň süňkli eken.*

**SÜŇK-SAŇK**, *at.* Süňkdür süňke meňzeş zatlar, süňk bölekleri. *Şol taýda süňk-saňklary gemrip ýörkäm, töweregime üýşen aç itler meni dalady* ("Myraly").

**SÜŇKSÜZ**, *syp.* **1**. Süňki bolmadyk. *Süňksüz et.* **2**. *göç.m.* Örän gowy häsiýetli, mylaýym gylykly, ýumşak. *Süňksüz gowy adam.*

**SÜŇKSÜZRÄK** [süňksüzürä:k], *syp.* Süňki azrak.

**SÜŇ(Ň)** [süň(ň)], *at.* **1**. Adamyň bedeni, tutuş durky (düýp söze birinji, ikinji we üçünji şahsyň goşulmasy goşulyp ulanylýar. Meselem: *süňňüm, süňňüň, süňňi* we ş.m.). **2**. *göç.m.* Asly, gelip çykyşy. *Süňňi haramylar gaýtmaz raýyndan, Ýaşy gaýdyp, sakgal agarmak bilen* (Zelili).

◊ **Süňňi gagşamak** bütin durkuň bilen titremek sandyramak. *Şu ýerde süňňi gagşady.* **Süňňi gowşak** aslynda, bedeninde bir hili gowşaklyk bolan. **Süňňi sagat** sagdyn bedenli, jany sag. *Ol süňňi sagat adam.* **Süňňi ýeňil** çalasyn hereket edýän, sagat. *Enäniň süňňi ýeňildi.* **Süňňünden syzan** perzent. **Süňňüňden syzdyryp aýtmak** tüýs ýürekden aýtmak. **Süňňüň agarmak** azap, ezýet, horluk görmek, zulum çekmek, halys bolmak. **Süňňüň gowşamak** bedeniňde bir hili gowşaklyk duýmak. **Süňňüňi tutup bilmezlik** sowukdan gahardan, gorkudan we ş.m. ýaňa özüňi asuda saklap bilmän titremek, galpyldy aralaşmak. *Süňňüni tutup bilmän gagşady.* **Süňňüň syzmak** nämedir bir zadyň boljaldygyny öňünden duýmak, aňmak.

**SÜŇŞÜK**, *at.* Gaýma bilen ilki dörtden tutulyp, soň üç, iki, bir sanjylyp, aşakly-ýokarly gidýän tahýa we geýime salynýan nagyş. *Tahýa salnan süňşük ýerbe-ýer düşüpdir.*

**SÜŇÜLEMEK** [süňülömök], *işl., kön.s.*Süňi (naýza) bilen urmak, süňi bilen sünçmek. *Olony süňüledi* ("Kitaby dedem Gorkut").

**SÜŇÜLIK** [süňülük], *at, kön.s.*Naýzanyň ujuna geýdirilýän demir. *Süňüligi Depegözüň gözüne eýle basdy, kim Depegözüň gözi heläk oldy* ("Kitaby dedem Gorkut").

**SÜPLEME** [süplömö], **1**. *iş ady.* Süplemek ýagdaýy. **2**. *ser.* **Süplük**.

**SÜPLEMEK** [süplömök], *işl.* **1**. Syryp-süpürip, bir ýere üýşürmek, toplamak (ýandagyň dökülen pürleri we ş.m. çöp-çalam hakynda). **2**. *göç.m.* Nebsewürlik bilen iýmek, syryp-süpürip almak. *Bu günler sürüdäki goýunlar saman süpläp ýörenok.*

**SÜPLEMEKLIK** [süplömöklük], *iş ady.* Süplemek ýagdaýy.

**SÜPLEMEZLIK** [süplömözlük], *iş ady.* Süplemek işini ýerine ýetirmezlik.

**SÜPLENMEK** [süplönmök], *işl.* **1**. Syryp-süpürip bir ýere üýşürilmek, toplanmak. *Süplenip*

*goýlan saman-sepiri towuklar aýaklary bilen peşeýärdiler.* **2**. Nebsewürlik bilen iýilmek; syryp-süpürip alynmak.

**SÜPLEŞMEK** [süplöşmök], *işl.* **1**. Süplemäge kömek etmek. **2**. Bile süplemek. *Olar atylan harmanyň düýbünde galan harpyklary süpleşip ýördüler.*

**SÜPLETMEK** [süplötmök], *işl.* Süplemek işini başga birine etdirmek.

**SÜPLEÝIŞ** [süplöýüş], *iş ady.* Süplemek ýagdaýy.

**SÜPLÄBERMEK** [süplä:vermek], *işl.* Süpläp ugramak; süplemegi dowam etdirmek.

**SÜPLÜK,** *at.* Süpürilip, toplanyp goýlan ownuk çöp-çalam, saman-sepir. *Daş işigindäki ojaga süplük döküp ot berýär. Onuň aýaly süplükleri syryşdyryp ýördi.*

**SÜP-SÜÝJI** [süp-süýjü], *syp.* Örän süýji.

**SÜPÜGRÄK** [süpüğürä:k], *syp.* Azda-kände süpük.

**SÜPÜK**, *syp., gepl.d.* Araga ýa-da neşä özüni aldyran, arak içmän ýa-da nese etmän oňup bilmeýän. *Süpük arakkeş.*

**SÜPÜRIBERMEK** [süpürüvermek], *işl.*Süpürip başlamak; süpürmegi dowam etdirmek.

**SÜPÜRILMEK** [süpürülmök], *işl.* **1**. Öýüň içi, daşary sübse bilen arassalanmak, tämizlenmek. *Howlynyň içi suwlangy, süpürilgidi.* **2**. Der, ýaş ýaly zatlar syrylyp aýrylmak.

**SÜPÜRINMEK** [süpürünmök], *işl.* Öz el-ýüzüňi, endamyňy we ş.m. süpürmek.

**SÜPÜRIŞ** [süpürüş], *iş ady.* Süpürmek ýagdaýy.

**SÜPÜRIŞDIRMEK** [süpürüşdürmök], *işl.* Birnäçe ýeri ýa-da birnäçe zady süpürip, tämizläp, arassalap çykmak, birnäçe gezek süpürmek. *Içerini-daşaryny süpürişdirdi.*

**SÜPÜRIŞMEK** [süpürüşmök], *işl.* **1**. Süpürmäge kömek etmek. *Gyzy ejesine içerini süpürişdi.* **2**. Bile süpürmek. *Iki jora daşaryny süpürişdirip ýör.*

**SÜPÜRME** [süpürmö], *iş ady.* Süpürmek ýagdaýy.

**SÜPÜRMEK** [süpürmök], *işl.* **1**. Öýüň içini-daşyny sübseläp arassalamak. *Jaýyň içini süpürip çykdy.* **2**. Der, ýaş ýaly zatlary syryp aýyrmak. *Ol elýaglygy bilen gözlerini süpürdi.*

**SÜPÜRMEKLIK** [süpürmöklük], *iş ady.* Süpürmek ýagdaýy.

**SÜPÜRMEZLIK** [süpürmözlük], *iş ady.* Süpürmek işini etmezlik.

**SÜPÜRTMEK** [süpürtmök], *işl.* Süpürmek işini başga birine etdirmek. *Howlyny süpürtmek.*

**SÜRBE-SÜR** [sürvö-sür], *hal, gepl.d.* Bir zadyň yzy bilen, yzysüre, bada-bat. *Sürbe-sür onuň yzyna düşdi.*

**SÜRÇEGRÄK** [sürçöğrä:k], *syp.* Azda-kände sürçek.

**SÜRÇEK** [sürçök], *syp.* **1**. Gar eräp, ýagyş ýagyp doňan, taýgak, typançak (ýer). *Ol aýagyny sürçek ýere basanda taýyp gitdi.* **2**. Ýylmanak, ýüzi aýna ýaly. *Sürçek gara daş.*

◊ **Sürçegi çykmak** ulanylyp, geýlip haýy gaçmak, ýylmanyp, sürlüp könelip gitmek. *Sürçegi çykan teker. Sürçegi çykan köwüş.*

**SÜRÇEKLIK** [sürçöklük], *at.* Hemme ýer sürçek ýagdaýda bolmaklyk.

**SÜRDÜRMEK** [sürdürmök], *işl.* **1**. Sürmek işini başga birine etdirmek, sürmek üçin mümkinçilik bermek. *Kaka, maşyny maňa sürdürseňem bolar, menem sürüjilik okuwyny okadym ahyry.* **2**. *göç.m.* Derman içip, içiňi ýörär ýaly etmek. *Içiňi sürdürmek.*

**SÜRE** [sürö], *at.* Gurhanyň aýry-aýry bölekleri.

**SÜREK** [sürök] **I**, *at, gepl.d.* Belli bir mukdardaky ölçegli wagt, ahyrky pelle, möhlet. *Başlyklyk süregi doldy.*

◊ **Süregiňe ýetdirmek** beren ähdiň, wadaň we ş.m. gutarmak. *Ýalan sözläp, süreklerine ýetdirdiler.*

**SÜREK** [sürök] **II**, *at.* Bir ýerden ikinji bir ýere kireýine sürülýän satlyk mal, ownuk janly, dowar.

**SÜREKÇI** [sürökçü], *at.* Bir ýerden ikinji bir ýere kireýine satlyk mal, ownuk janly sürüp barýan adam. *Sürekçä näme berdiň?*

**SÜREKÇILIK** [sürökçülük], *at.* Sürekçiniň ýagdaýy, käri.

**SÜREN** [sürön], *at.* **1**. Tilki, şagal ýaly haýwanlaryň ýer gazyp ýaşaýan hini. *Kerwenler hem hälki gulpy döwük küýzelerini tilkiniň süreniniň agzynda taşlap gidenler* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Ýasalýan öý, tünek.

**SÜRESOKMA** [sürösokmo], *syp.* Gaty gür, ýazylýan harplar, tikilýän tikinler biri-birine ýakyn, üst-üste.

**SÜRGI** [sürğü] **I**, *at, ser.* **Sürgüç I**.

**SÜRGI** [sürğü] **II**, *at.* Iç sürýän derman.

**SÜRGI** [sürğü] **III**, *at.* Guşlary (esasan, käkiligi) aldap tutmak üçin, ýüzüne dürli reňkli mata bölejikleri tikilen tuty, perde. *Awçynyň sürgüsi.*

**SÜRGÜÇ** [sürğüç] **I**, *at.* Agaç ýonmak üçin boýy 70-80 sm. bolan ýörite gural, ýonguç, rende.

**SÜRGÜÇ** [sürğüç] **II**, *at.* Aňsatlyk bilen ereýän we doňýan, möhür basmak, çüýşe ýapmak we ş.m. üçin ulanylýan reňkli şepbik madda. *Möhürlemek üçin sürgüç taýýarlandy.*

**SÜRGÜÇLEME** [sürğüşlömö], *iş ady.* Sürgüçlemek ýagdaýy.

**SÜRGÜÇLEMEK** [sürğüşlömök] **I**, *işl.* Sürgüç bilen ýonmak, ýylmamak, rendelemek. *Piliň sapyny sürgüçläp ýylmamak.*

**SÜRGÜÇLEMEK** [sürğüşlömök] **II**, *işl.* Reňkli şepbik pisint jisimiň üstüne möhürçe basyp berkitmek. *Hat bukjasynyň üç ýerinden sürgüçläp berkitdi.*

**SÜRGÜÇLEMEZLIK** [sürğuşlömözlük] **I**, *iş ady.*. Sürgüç bilen ýonmazlyk, ýylmamazlyk, rendelemezlik.

**SÜRGÜÇLEMEZLIK** [sürğüşlömözlük] **II**, *iş ady.* Reňkli şepbik pisint jisimiň üstünden möhürçe basyp berkitmezlik.

**SÜRGÜÇLENMEK** [sürğüşlönmök] **I**, *işl.* Sürgüç bilen ýonulmak, ýylmanmak, rendelenmek.

**SÜRGÜÇLENMEK** [sürğüşlönmök] **II**, *işl.* Sürgüçlemek işi amal edilmek.

**SÜRGÜÇLEŞMEK** [sürğüşlöşmök] **I, II,** *işl.* **1**. Sürgüçlemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde sürgüçlemek.

**SÜRGÜÇLETMEK** [sürğüşlötmök] **I, II,** *işl.* Sürgüçlemek işini başga birine etdirmek. *Pil sapyny sürgüçledip ýylmatmak. Bukjany sürgüçletmek.*

**SÜRGÜÇLEÝIŞ** [sürğüşlöýüş] **I**, **II**, *iş ady.* Sürgüçlemek ýagdaýy.

**SÜRGÜN** [sürğün], *at.* Jezasyny çekdirmek üçin uzak ýere iberip, jeza möhletini geçirtmegiň bir görnüşi.

◊ **Sürgün etmek** sürgüne ibermek.

**SÜRGÜNÇI** [sürğünçü], *at.* Sürgüne iberilen adam.

**SÜRGÜNÇILIK** [sürğünçülük], *at.* Sürgünde geçirilen döwür; gürgündäki ýagdaý.

**SÜRI** [sürü], *at.* Bile gezýän birmeňzeş haýwanlaryň, guşlaryň we ş.m. uly topary. *Meniň hemme döwletimde bolan atlarymyň we hemme ýylky sürülerimiň ygtyýaryny seniň eliňe berdim* ("Görogly").

◊ **Sürä goşmak** idedip, terbiýeläp ulaltmak, adam hataryna goşmak. **Bir süri** (zat, adam)*gepl.d.* gaty köp (zat, adam). *Ogluňa bir süri zat getiräýipsiň-le, ony gaty gowy görýän öýdýän. Ýol bilen bir süri oglan geçip gitdi.*

**SÜRI-SÜRI** [sürü-sürü], *syp.* **1**. Birnäçe sürüden ybarat. *Ummasyz giň örülerde süri-süri goýunlarymyz bakylýar.* **2**. Topar-topar, toplum-toplüm. *Guşlar sürisüri bolup uçýar.*

**SÜRKEMEK** [sürkömök], *işl., ser.* **Sürtmek**.

**SÜRLENDIRMEK** [sürlönnürmök], *işl.* Bir ýere toplamak, üýşürmek, bir ýere jemlemek.

**SÜRLENIBERMEK** [sürlönüvermek], *işl.* Bir ýere toplanybermek, üýşübermek, bir ýere jemlenibermek.

**SÜRLENIŞ** [sürlönüş], *iş ady.* Sürlenmek ýagdaýy.

**SÜRLENIŞMEK** [sürlönüşmök], *işl.* Bir ýere toplanyşmak, üýşüşmek, bir ýere jemlenişmek. *Towuklar sürlenişip ýer peşeýärler.*

**SÜRLENME** [sürlönmö], *iş ady.* Sürlenmek ýagdaýy.

**SÜRLENMEK** [sürlönmök], *işl.* Bir ýere toplanmak, üýşmek, bir ýere jemlenmek. *Çöllerde köl döräp guşlar sürlendi* ("Edebiýat we sungat").

**SÜRLENMEKLIK** [sürlönmöklük], *iş ady.* Sürlenmek ýagdaýy.

**SÜRME** [sürmö] **I**, *at.* Deňziň has çuň ýerinde tor gurmak üçin ulanylýan enjam.

**SÜRME** [sürmö] **II**, *at.* Gaşy, kirpigi we ş.m. reňklemek, garaltmak üçin boýag. *Sürme çalyp gara göze, Bizden ki uýat eýleýir* (Magtymguly). *Gözüňe sürme ýaraşar, Biliňe tirme ýaraşar* (Seýdi).

◊ **Gözüne sürme çekilmek** görüp durmaly zady görmäniňde, basmasyz zady basyp geçeniňde aýdylýan sögünç häsiýetli aňlatma. *Gözüňe sürme çekildimi, demli çäýnegi ýykyp geçýäň.*

**SÜRME** [sürmö] **III**,*iş ady.* Sürmek ýagdaýy.

**SÜRMEK** [sürmök], *işl.* **1**. Ýöredip herekete getirmek (maşyn, uçar, otly, tigir we ş.m. hakynda). *Maşyn sürmek. Otly sürmek. Tigir sürmek.* **2**. Sürüsi bilen bir ugra kowup alyp gitmek. *Olar mallary sürüp äkitdiler.* **3**. Dogduk mekandan zorluk bilen alyp gitmek. *Ikinji Jahan urşunda nemes basybalyjylary işe ýaraýan adamlary Germaniýa sürüpdirler.* **4**. Itip ýerine eltmek, itip süýşürmek; oklamak. *Tüpeňe ok sürmek.* **5**. Ekin ekmek üçin topragyň ýokarky gatlagyny azal we ş.m. bilen agdaryp ekişe taýýarlamak. *Gowaça ekiljek ýerleriň hemmesini sürdüler.* **6**. *gepl.d.* Biri bolmajak nädogry zat aýdan ýagdaýynda "ugra şu ýerden" diýen manyda düýp işlik şekilinde ulanylýan söz (*ser.* **Araba: arabaňy daşda sür** (**tigirle!**). – *Seni gözüm görmesin, sür! – Sürsene-aý, aýdýan zatlaryň ýapa degenok ahyry.*

**SÜRMEKI** [sürmökü], *syp.* Bir gezek berilýän tagt suwundan soň, sürlüp joýasyz ekilýän (esasan, gawun, garpyz hakynda). *Sürmeki gawun.*

**SÜRMEKLIK** [sürmöklük], *iş ady.* Sürmek ýagdaýy.

**SÜRMELEME** [sürmölömö], *iş ady.* Sürmelemek ýagdaýy.

**SÜRMELEMEK** [sürmölömök], *işl.* Sürme bilen boýamak, reňklemek, sürme çalmak. *Göz-gaşyňy sürmelemek.*

**SÜRMELEMEKLIK** [sürmölömöklük], *iş ady.* Sürmelemek ýagdaýy.

**SÜRMELENMEK** [sürmölönmök], *işl.* Sürme bilen boýanmak, reňklenmek, sürme çalynmak. *Sürmelenen gaş.*

**SÜRMELEŞMEK** [sürmölöşmök], *işl.* **1**. Birine sürme çalyşmak. **2**. Bilelikde sürmelemek. *Ýaş gelinler gaşlaryny, kirpiklerini sürmeleşip otyrdylar.*

**SÜRMELETMEK** [sürmölötmök], *işl.* Sürme bilen boýatmak, reňkletmek, sürme çaldyrmak. *Gytyk gaşyny sürmeletmäge oturany-da şoldy weli, bir gopgun turdy.*

**SÜRMELEÝIŞ** [sürmölöýüş], *iş ady.* Sürmelemek ýagdaýy.

**SÜRMELÄBERMEK** [sürmölä:vermek], *işl.* Sürme bilen boýabermek, reňkläbermek, sürme çalybermek.

**SÜRMEZLIK** [sürmözlük], *iş ady.* Sürmek işini etmezlik.

**SÜRNÜBERMEK** [sürnüvermek], *işl.* Sürnüp ugramak, sürnüp başlamak.

**SÜRNÜBILMEK** [sürnüvilmek], *işl.* Sürünmegi başarmak.

**SÜRNÜŞMEK** [sürnüşmek], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde sürünmek (*ser.* **sürünmek 2**).

**SÜRPEK** [sürpök], *at.* Aşyk oýnunda dikilgi oturan aşyklary sürpäp alyp gitmek üçin jikgesi we dükgesi sürpelen kenek, aşyk ýa-da ýylmanak daş.

◊ **Sürpegi çykmak** köp ulanmak, sürtülmek netijesinde könelip gitmek. *Sürpegi çykan aýakgap.*

**SÜRPELMEK** [sürpölmök], *işl.* **1**. Ýere degrip süýremek (geýim, aýakgap we ş.m. hakynda). **2**. Daşa we ş.m. sürtüp, sürpek edilmek, ýylmanak bolmak.

**SÜRPEME** [sürpömö], *iş ady.* Sürpemek ýagdaýy.

**SÜRPEMEK** [sürpömök], *işl.* **1**. Ýere degrip süýremek (geýim, aýakgap we ş.m. hakynda). *Ädigini sürpäp, yzyna dolandy.* **2**. Daşa we ş.m. sürtüp, sürpek etmek, ýylmanak etmek. *Oglanlar aşyklaryny daşa sürpeýärdiler.*

**SÜRPEMEKLIK** [sürpömöklük], *iş ady.* Sürpemek ýagdaýy.

**SÜRPEMEZLIK** [sürpömözlük], *iş ady.* Sürpäp durmazlyk, sürpäp ýörmezlik.

**SÜRPENÇEK** [sürpönçök], *syp., ser.* **Sürçek.** *Sürpençek ýer.*

**SÜRPENMEK** [sürpönmök], *işl.* **1**. Süýkenmek, degmek. *Araba käbir ýerde haýatlara sürpenip geçýärdi.* **2**.Özüň üçin daşa we ş.m. sürtüp, sürpek etmek, ýylmanak etmek. *Kenek sürpenmek.*

**SÜRPEŞMEK** [sürpöşmök], *işl.* **1**. Birnäçe adam köwüşleriniň aşagyny ýere degrip süýremek (aýakgap we ş.m. hakynda). *Oglanlar ýörite edýän ýaly bolup, köwüşlerini sürpeşip barýardylar*. **2**. Aşygy daşa we ş.m. sürtüp sürpek etmäge, ýylmanak etmäge kömekleşmek. *Kenek sürpeşmek.*

**SÜRPETMEK** [sürpötmök], *işl.* **1**. Ýere degrip süýretmek (geýim, aýakgap we ş.m. hakynda). **2**. Daşa we ş.m. sürtdürip sürpek etdirmek, ýylmanak etdirmek.

**SÜRPEÝIŞ** [sürpöýüş], *iş ady.* Sürpemek ýagdaýy.

**SÜRPÄBERMEK** [sürpä:vermek], *işl.* Sürpäp başlamak, sürpemegi dowam etmek.

**SÜRREKLEMEK** [sürröklömök], *işl., gepl. d, ser.* **Südürlemek**.

**SÜRREKLEŞMEK** [sürröklöşmök], *işl.* Bir ýere bir topar bolup gitmek. *Sürrekleşip ýörmegiň geregi ýok.*

**SÜRRENEKLEŞMEK** [sürrönöklöşmök], *işl.* Birnäçe bolup surrekläp gezmek, ýöremek, ylgamak, itenek-de-çomanak bolmak. *Sürrenekleşip nireden gelýäňiz?*

**SÜRTDÜRMEK** [sürtdürmök], *işl.* Sürtmek işini başga birine etdirmek.

**SÜRTEÇ** [sürtöç], *at.* Gap-gaç we ş.m. ýuwmak üçin sürteç kädiniň daşy arassalanan hasyly. *Gazany sürteç bilen ýuwaýmasaň, arassalanar ýaly däl.* **2**. Otluçöpüň sürtülýän ýeri.

◊ **Sürteç kädi** çyrmaşyp ösýän uly ýaprakly ösümligiň süýri uzyn hasyly (gabygy aýrylandan soň sürteç hökmünde ulanylýar).

**SÜRTEÇLEME** [sürtöşlömö], *iş ady.* Sürteçlemek ýagdaýy.

**SÜRTEÇLEMEK** [sürtöşlömök], *işl.* Sürteç we ş.m. bilen sürtüp arassalamak. *Sürteçläp ýuwmak.*

**SÜRTEÇLEMEKLIK** [sürtöşlömöklük], *iş ady.* Sürteçlemek ýagdaýy.

**SÜRTEÇLEMEZLIK** [sürtöşlömözlük], *iş ady.* Sürteç bilen arassalamazlyk.

**SÜRTEÇLENMEK** [sürtöşlönmök], *işl.* Sürteç bilen sürtülip arassalanmak.

**SÜRTEÇLEŞMEK** [sürtöşlöşmök], *işl.* Sürteç bilen arassalamaga kömekleşmek.

**SÜRTEÇLETMEK** [sürtöşlötmök], *işl.* Başga birine sürteç bilen arassalatmak. *Gazany sürteçletmek.*

**SÜRTEÇLEÝIŞ** [sürtöşlöýüş], *iş ady.* Sürteçlemek ýagdaýy.

**SÜRTEÇLÄBERMEK** [sürtöşlä:vermek], *işl.* Sürteç bilen arassalap başlamak; sürteçlemegi dowam etmek. *Gazanlary şeýt-de sürteçläber.*

**SÜRTENIBERMEK** [sürtönüvermek], *işl.* Sürtenip ugramak.

**SÜRTENIŞ** [sürtönüş], *iş ady.* Sürtenmek ýagdaýy.

**SÜRTENME** [sürtönmö], *iş ady.* Sürtenmek ýagdaýy.

**SÜRTENMEK** [sürtönmök], *işl.* **1**. Bir ýere egniňi, bedeniňi degirmek, sürtmek, oýkamak. *Diwara sürtenseň, ak eder!* **2**. *göç.m.* Birine bolgusyz, gyjytly söz aýtmak.

**SÜRTENMEKLIK** [sürtönmöklük], *iş ady.* Sürtenmek ýagdaýy.

**SÜRTEWAÇ** [sürtöwa:ç], *at, gepl.d.* Sürteç.

**SÜRTME** [sürtmö], *iş ady.* Sürtmek ýagdaýy.

**SÜRTMEK** [sürtmök], *işl.* **1**. Bir zady ikinji bir zada süýkemek, süýkäp çalmak. *Ol şol tapan gara köpügini gözüne sürtüpdir weli, gözi gutulypdyr, endamyna sürtüpdir weli, endamy hem goturlykdan saplanypdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Süýkäp ýakmak (otluçöp, çakmak we ş.m. hakynda). *Otluçöp sürtmek. Ol çakmak daşyny sürtüp ýakdy.* **3**. Öz gazananyňy özüňe harç etmek. *Gazanjyňy ýeke özüňe sürtmek dogrumyka?*

**SÜRTMEKLIK** [sürtmöklük], *iş ady.* Sürtmek ýagdaýy.

**SÜRTMEZLIK** [sürtmözlük], *iş ady.* Sürtmek işini ýerine ýetirmezlik; sürtmek hereketini etmezlik.

**SÜRTÜBERMEK** [sürtüvermek], *işl.* Sürtüp başlamak; sürtmek işini dowam etdirmek.

**SÜRTÜLMEK** [sürtülmök], *işl.* **1**. Bir zat başga zadyň ýüzüne süýkelmek. **2**. Otluçöp, çakmak ýaly zatlar sürtülip ýakylmak.

**SÜRTÜŞ,** *iş ady.* Sürtmek ýagdaýy.

**SÜRTÜŞMEK** [sürtüşmök], *işl.* **1**. Sürtmäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde sürtmek.

**SÜRÜBERMEK** [sürüvermek], *işl.* Sürüp başlamak, sürmek işini dowam etdirmek.

**SÜRÜJI** [sürüjü], *at.* Traktory, kombaýny, maşyny ýöredýän, işledýän adam. *Olar ökde sürüji bolup ýetişdiler.*

**SÜRÜLMEK** [sürülmök], *işl.* **1**. Ýöredilip herekete getirilmek (maşyn, uçar, otly, tigir we ş.m. hakynda). *Maşyn sürmek. Otly sürmek. Tigir sürmek.* **2**. Birnäçe, birtopar mal, süri duran ýerinden başga ýere kowlup äkidilmek. *Bir süri goýun guma sürüldi.* **3**. Dogduk mekandan zorluk bilen paý-pyýada alnyp gidilmek. *Sürüldiler il barysy eňşeşip* (Zelili). **4**. Itip ýerine eltilmek, itip süýşürilmek. **5**. Ekin ekmek üçin

topragyň ýokarky gatlagy azal bilen agdarylmak. *Sürlen ýerden bir tokga kesegi alyp owradyp gördi.* **6**. Sürtülip ýukalmak. *Nagşy sürlen torba. Köwşümiň ökjesi sürlüpdir*.

**SÜRÜM,** *at.* Ekin ýerini sürüş, agdaryp bejeriş. *Sürüm wagty ýetip geldi.*

**SÜRÜMÇI** [sürümçü], *at.* Ýer sürýän daýhan, sürüm işine gatnaşýan adam. *Sürümçiler sürüm işini gutardylar.*

**SÜRÜNMEK** [sürünmök], *işl.* **1**. Özüň üçin sürmek (ekin ýeri hakynda). **2**. Öňe tarap omzamak, öňe hereket etmek. *Sürnüp gelýänleriň hatary barha azalýardy.* **3**. *göç.m.* Biriniň üstüne haýbat atmak, çöwjemek, haýbatly hereket etmek. *Onuň üstüne sürnüp durarmyň indi?*

**SÜRÜŞ**, *iş ady.* Sürmek ýagdaýy.

**SÜRÜŞDIRMEK** [sürüşdürmök], *işl.* **1**. Birnäçe ýeri sürüp çykmak. *Gowaçadyr ýorunja ýerlerini sürüşdirip goýduk.* **2**.Birnäçe zady pil we ş.m. bilen bir tarapa iteleşdirmek, itişdirmek. *Ol guýynyň düýbündäki süňkleri bir ýana sürüşdiripdir* ("Myraly").

**SÜRÜŞMEK** [sürüşmök], *işl.* **1**. Sürmäge kömek etmek. *Goýun sürüşmek.* **2**. Bilelikde sürmek. *Çopanlar goýunlaryny otly-suwly ýerlere sürşüp barýardy.* **3**. *gepl.d.* Aýagyň taýyp gitmek, typmak, büdremek, ýykylyp-sürüşmek. *Çakan atyň gözi güne bolman, kä ýerde büdräp, kä ýerde sürşüp galyberdi* ("Görogly").

**SÜSDÜRMEK** [süssürmök], *işl.* **1**. Bir zady başga zat bilen kakdyrmak, çakyşdyrmak. **2**. Eltip bir ýere sokmak, çykmaz ýaly ýa-da görünmez ýaly etmek, salmak. *Tüňçäni oduň içine süsdürdi.* **3**. *göç.m.* Para bermek, pul sokmak.

◊ **Ýere süsdürmek** ýere sokmak, ýere gömmek. *Ýaňky sözüňi ýene bir gezek gaýtalasaň, menden gaty görme, ýere süsdürerin*.

**SÜSDÜRILMEK** [süssürülmök], *işl.* Biriniň gaşyna, öňüne has golaý barmak. *Süssürilip gelmede, duran ýeriňde duruber.*

**SÜSEGRÄK** [süsöğrä:k], *syp.* Birneme süsek.

**SÜSEK** [süsök], *syp.* Süsmäge endik eden, süsýän, süsegen (mal hakynda). *Süsek sygyr.*

**SÜSEKLIK** [süsöklük], *syp.* Süsek bolmaklyk, süsek häsiýetlilik, süsegenlik (mal hakynda).

**SÜSME** [süsmö], *iş ady.* Süsmek ýagdaýy.

**SÜSMEK** [süsmök], *işl.* **1.** Şahy, kellesi bilen bir zady batly urmak. *Göle ony süsdi, ol meniň ýanyma aglap gaýtdy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Baryp bir zady batly urmak. *Badyny saklap bilmän, sütüni süsdi.*

**SÜSMEKLIK** [süsmöklük], *iş ady.* Süsmek ýagdaýy.

**SÜSMEZLIK** [süsmözlük], *iş ady.* Süsmek hereketiniamal etmezlik .

**SÜSŇEME** [süsňömö], *iş ady.* Süsňemek ýagdaýy.

**SÜSŇEMEK** [süsňömök], *işl.* **1**. Iki bölek ýeriň arasyndaky serhetden, aralyk çäkden az-owlak geçmek; öňe çykyp durmak. *Aralyga basan bedaň ýerimize süsňäp duran ýaly-la?* **2**. Bir ýere batly sokulyp girmek, sümülmek, dykylmak. *Ol batly gelşine märekäň içine süsňäp urdy.* **2.**Bir tarapa uzalyp baryp diremek ýa-da içine sokulyp gitmek. *Deňiz kä ýerde kiçijik aýlagy, kä ýerde bolsa süsňäp, çyrpynyp ýatan äpet aýlagy emele getirýär* ("Edebiýat we sungat").

**SÜSŇEMEKLIK** [süsňömöklük], *iş ady.* Süsňemek ýagdaýy.

**SÜSŇETMEK** [süsňötmök], *işl.* Öňe çykarmak. *Dyzlaryny ilerik süsňedip oturdy.*

**SÜSŇEÝIŞ** [süsňöýüş], *iş ady.* Süsňemek ýagdaýy.

**SÜSSENEKLEDILMEK** [süssönöklödülmök], *işl.* Idirdikledilip zor bilen alnyp gidilmek.

**SÜSSENEKLEME** [süssönöklömö], *iş ady.* Süsseneklemek ýagdaýy.

**SÜSSENEKLEMEK** [süssönöklömök], *işl.* Birden büdräp, entirekläp ýöremek, entirekläp gitmek. *Maňlaýyny ýere berip, süssenekläp galdy* ("Görogly").

**SÜSSENEKLEMEZLIK** [süssönöklömözlük], *iş ady.* Birden büdräp, entirekläp gitmezlik.

**SÜSSENEKLEŞMEK** [süssönöklöşmök], *işl.* Birnäçe bolup süsseneklemek. *Bir haýukdan süssenekleşip girdiler.*

**SÜSSENEKLETMEK** [süssönöklötmök], *işl.* Itekläp, entirekledip, idirdedip getirmek ýa äkitmek. *Ony süssenekledip saldylar.*

**SÜSSENEKLEÝIŞ** [süssönöklöýüş], *iş ady.* Süsseneklemek ýagdaýy.

**SÜSÜBERMEK** [süsüvermek], *işl.* Süsüp ugramak; süsmegini dowam etdirmek.

**SÜSÜŞ**,*iş ady.* Süsmek ýagdaýy.

**SÜSÜŞMEK** [süsüşmök], *işl.* **1**. Biri-birini süsmek. *Köçeleriň ugrunda gölejikler, kürrejikler bükürdeşip ýa owlajyklar süsüşip, tozan turzuşyp ýördüler* (H. Ysmaýylow). **2**. *göç.m.* Iki taraplaýyn çakyşmak, garpyşmak (adam, maşyn we ş.m. hakynda).

**SÜTEM** [sütöm], *at.* Çekilýän zulum, görülýän jebir, horluk.

**SÜTEMKÄR** [sütömkä:r], *syp.,ser.* Sütem ediji.

**SÜTEMKEŞ** [sütömkeş], *syp.* Sütem, zulum edýän, zalym, zulumkeş, sütemkär.

**SÜTÜK,** *at.* Käbir haýwanyň çöpüriniň, guşuň ýeleginiň düýbünde emele gelýän mymyjak ýüň, tüý übtügi.

**SÜTÜKLI** [sütüklü], *syp.* Sütügi bolan. *Sütükli mata.*

**SÜTÜN**,*at.* Jaýyň diregi hökmünde ýa-da gelşiklilik üçin dikeldilen desga.

◊ **Sütüniň süýnmek** çendenaşa ýadamak, halys bolmak.

**SÜWMEN** [süwmön], *at, gepl.d.* Ädigiň içinden geýmek üçin ýukarak keçeden tikilen ädik şekilli aýakgap.

**SÜWÜMSIZ** [süwümsüz], *syp.* Ýokna ýokmadyk, ýoknasyz, edepsiz. *Sen-ä bir tüýs*

*süwümsiziň biri ekeniň, hödür edilmänkä saçaga topulyp barýaň.*

**SÜWÜMSIZLIK** [süwümsüzlük], *syp.* Süwümsiz häsiýetlilik, süwümsiz gylykly bolmaklyk. *Süwümsizlik edeniňi göräýmäýin.*

**SÜWÜMSIZRAK** [süwümsüzürä:k], *syp.* Birneme süwümsiz. *Süwümsizräk çaga.*

**SÜÝBEK** [süývek], *at.* El degirmeniniň aşaky daşynyň ortasyndaky deşige kakylan we ýokarky daşyň jykyrjygynyň deşiginiň içinden geçýän barmak boýly agaç. *Göz görnügi gabakda, Degirmen erki süýbekde* (Nakyl).

**SÜÝDEMDIRIJILER**, *at.* Çagalaryny öz süýtleri bilen emdirip ulaldýan oňurgaly haýwanlar topary.

**SÜÝDÜRMEK** [süýdürmök], *işl.* Süýmek işini başga birine etdirmek.

**SÜÝEK** [süýök], *at, ser.* **Süňk**. *Bidöwlet, salpy aýagyň diýeni etinden ötüp, süýeginden ötüp, ýiligine ornady* ("Görogly"). *Süýeklerim lerzan urar sözünden, Jismimiň şährine talaň salan ýar* (Mätäji).

◊ **Süýegiň agarmak** köp azap çekmek, horluk görmek. *Bir ýere barýançaň agar süýegiň, Bikär durmaz eliň bilen aýagyň* (Durdy Gylyç).

**SÜÝEM** [süýöm]: **süýem barmak** başam barmak bilen orta barmagyň aralygyndaky barmak. *Süýem barmak süýt getirer* (Sanawaçdan).

**SÜÝGEŞIK** [süýğöşük], *syp.* Süýgüp duran, goýy. *Süýgeşik suwuklyk.*

**SÜÝGEŞMEK** [süýğöşmök], *syp.* Goýalyp süýgüp durmak.

**SÜÝGÜP-SARKMAK** [süýğüp-sarkmak], *işl., ser.* **Süýnüp-sarkmak**.

**SÜÝJEME** [süýjömö], *iş ady.* Süýjemek ýagdaýy.

**SÜÝJEMEK** [süýjömök], *işl.* **1**. Süýjüligi artmak; tagamy gowulanmak. *Ýagşyň nepi ýetendir, kenaryň suwy birneme süýjäpdir.* **2**. *göç.m.* Bir zadyň gadyr-gymmaty artmak, gereklenmek.

**SÜÝJEMEKLIK** [süýjömöklük], *iş ady.* Süýjemek ýagdaýy.

**SÜÝJEMEZLIK** [süýjömözlük], *iş ady.* Süýjüligi artmazlyk.

**SÜÝJEŞMEK** [süýjöşmök], *işl.* Dura-bara süýjemek.

**SÜÝJETMEK** [süýjötmök], *işl.* **1**. Bir zadyň tagamyny gowulandyrmak, süýjüligini artdyrmak. *Şol howza ýygnanýan suw ýere siňip, guýa syzmalydy hem-de onuň suwuny süýjetmelidi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Özüňde bar zadyň geregini artdyrmak, gerekletmek, elýetmez zat ýaly görkezjek bolmak. *– Bir günlük gulakhalkaňy beräý diýdim weli, bermejek bolýaňmy, nämemi, süýjedip bildiň.*

**SÜÝJEÝIŞ** [süýjöýüş], *iş ady.* Süýjemek ýagdaýy. *Onuň diliniň süýjeýşini bir görsene.*

**SÜÝJÄBERMEK** [süýjä:vermek], *işl.* **1.** Süýjäp ugramak. **2.** Birek-birege bolan gadyryň artyp başlamak.

**SÜÝJI** [süýjü] **I**, *syp.* **1**. Ýakymly tagamy bar bolan, tagamly. *Süýji suwlary tygşytlamak meselesine goşant goşdy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *göç.m.* Lezzet berýän, ýakymly, mylaýym. *Süýji söz.*

◊ **Süýji içege** on iki barmak mal içegesiniň ýogyn içegä golaý iýilýän bölegi. **Süýji keseli** ganyň düzüminde gandyň köpelmegi bilen bagly döreýän kesel.

**SÜÝJI** [süýjü] **II**, *at.* Gant, kemput, nabat ýaly önümleriň umumy ady. *Hawa, hawa, şeýt, ol betbagtlaryň çaýy, nasy, süýjüsi hem adamyny maýyrjak* (A. Durdyýew).

**SÜÝJÜDAN** [süýjüda:n], *at., ser.* **Süýjügap**. *Aýnagözel eje gantdyr nabatly süýjüdany hem getirip, çäýneginiň gapdalynda goýdy* (N. Baýramow).

**SÜÝJÜGAP** [süýjüğa:p], *at.* Süýji salynýan gap.

**SÜÝJÜLIK** [süýjülük], *at.* **1**. Süýji tagamlylyk. *Men bir gawunymyň süýjüligini görkezeýin.* ("Myraly"). **2**. Lezzetlilik, ýakymlylyk, keýpi-sapalyk. *Özüniň dünýäden dadan ajy we süýjüliklerini ýadyna düşürýärdi.* **3**. Içine köke-süýji salnyp tikilen kiçijik haltajyk (gelin edinýän ýere toýa barýan aýallaryň atgulagyň ýany bilen eltýän köýmeti).

◊ **Süýjülik bilen gatnaşalyň** "birek-biregiň sylag-hormatyny saklap gatnaşalyň" diýen manyly alkyş sözi. **Süýjülik suwy** gelin bilen ýigide nika gyýlanda gant eredilip dadyrylýan süýji suw.

**SÜÝJÜMTIK** [süýjümtük], *syp.* Çala süýji. *Süýjümtik suw.*

**SÜÝJÜRÄK** [süýjürä:k], *syp.* Azda-kände süýji tagamly.

**SÜÝKDÜRMEK** [süýkdürmök], *işl.* **1**. Süýdürmek. *Nurjahan süýkdüren sümegini eline orady-da jogap berdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Sözi, gürrüňi, sesi we ş.m. sokdurmak, uzaltmak, çekmek. *– Hä, şeý diýsene – diýip, sözüni süýkdüren soň, göwünlik berdi* (H. Garabaýew).

**SÜÝKELMEK** [süýkölmök], *işl.* Bir zat başga bir zada degip sürtülmek. *Diwara süýkelmek.*

**SÜÝKEME** [süýkömö], *iş ady.* Süýkemek ýagdaýy.

**SÜÝKEMEK** [süýkömök], *işl.* Bir zady ikinji bir zada sürtmek, oýkamak, syhamak. *Arkaňy diwara süýkäp durma! Kemençäni gyjagyň taryna süýkäp çalmak.*

**SÜÝKEMEKLIK** [süýkömöklük], *iş ady.* Süýkemek ýagdaýy.

**SÜÝKEMEZLIK** [süýkömözlük], *iş ady.* Süýkemek hereketini etmezlik.

**SÜÝKENMEK** [süýkönmök], *işl.* **1**. Öz bir ýeriňi başga bir zada degirmek, oýkamak. *Gotur at çöpden-çöpe süýkenip, agaçdan-agaja oýkanyp galyberdi* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Bir hyýal bilen birine lak atmak, degen bolmak. *Söýmedige süýkenme* (Aýtgy).

**SÜÝKEŞ** [süýköş]**:süýkeş çekimsizler** bir-birine ýakynlaşýan gep agzalarynyň döreden yşlarynyň arasyndan howanyň süýkeşip çykmagy bilen hasyl bolýan sesler. *Mysal üçin: s, f, h, ş we* ş.m. *süýkeş çekimsizlerdir.*

**SÜÝKEŞMEK** [süýköşmök], *işl.* Süýkemäge kömekleşmek.

**SÜÝKETMEK** [süýkötmök], *işl.* Süýkemegi birine etdirmek.

**SÜÝKEÝIŞ** [süýköýüş], *iş ady.* Süýkemek ýagdaýy.

**SÜÝKÄBERMEK** [süýkä:vermek], *işl.* Süýkäp ugramak.

**SÜÝKME** [süýkmö], *iş ady.* Süýkmek ýagdaýy.

**SÜÝKMEK** [süýkmök], *işl.* Sogup, süýnüp gitmek. *Nurjahan ony susak bilen ýokary galdyranda, emaý bilen süýgüp akýardy* (B. Kerbabaýew).

**SÜÝME** [süýmö], *iş ady.* Süýmek ýagdaýy.

**SÜÝMEK** [süýmök], *işl.* Bir zady çekip, ýenjip süýndürmek, uzaltmak, sozmak. *Bular ýüplük süýmekde we egirmekde özara ýaryş çagyrdylar* (A. Durdyýew).

**SÜÝMEKLIK** [süýmöklük], *iş ady.* Süýmek ýagdaýy.

**SÜÝMEZLIK** [süýmözlük], *iş ady.* Bir zady çekip, ýenjip uzaltmazlyk, sozmazlyk.

**SÜÝNDÜRMEK** [süýnnürmök], *işl.* **1.** Süýnýän zatlary, mysal üçin, rezini çekmek, dartmak. **2.** Pişge edilen ýüňi süýmek. *Nurjahan pişgäni endigan süýndürip, bir sydyrgyn towlady* (B. Kerbabaýew). **3.** Uzaldyp, sokduryp gürlemek, geplemek. *Ol sesini adatdan daşary süýndürip gepleýärdi* (N. Jumaýew). **4.** *göç.m.* Urup ýere ýazmak, urup ýatyrmak, urup ysgyndan düşürmek.

**SÜÝNME** [süýnmö], *iş ady.* Süýnmek ýagdaýy.

**SÜÝNMEGRÄK** [süýnmögürä:k], *syp.* Boýy inine görä uzynrak, süýrüräk.

**SÜÝNMEK** [süýnmök] **I**, *işl.* **1.** Boýuna ýa-da inine uzalmak; sozulyp uzalmak. *Rezini çekseň süýnýär. Mata inine süýnýär.* **2.** *gepl.d.* Çalt hereket edip gitmek. *Ýüwrüklikde deňi-taýy bolmadyk at, atylan ok ýaly süýnüp gaýdýar* (B. Seýtäkow). **3.** Uzynlygyňa, uzaboýuňa gyşarmak, uzalyp ýatmak. *Ol hiç kime seretmän, hemişeki ýatýan düşekçesine baryp süýndi* (O. Ödäýew).

**SÜÝNMEK** [süýnmök] **II,** *syp.* Boýuna uzalyp giden, süýri. *Akly, saryly, süýnmek, togalak garpyzlaryň her biri Köpetdagyň mähnet daşlary ýaly* (B. Kerbabaýew).

**SÜÝNMEKLIK** [süýnmöklük], *iş ady.* Süýnmek ýagdaýy.

**SÜÝNMEZLIK** [süýnmözlük], *işl.* Süýnüp durmazlyk.

**SÜÝNÜBERMEK** [süýnüvermek], *işl.* **1.** Süýnüp ugramak. **2.** Süýnüp ýatybermek. *Nahar iýmän, gelen dessiňe-de bir süýnübermek bolarmy?*

**SÜÝNÜP-SARKMAK,** *işl.* Näz-kereşmeli sülmüremek. *Ol howlukman, keremara ýerinden turdy, süýnüp-sarkyp çaýyny içdi* (G. Gurbansähedow).

**SÜÝNÜŞ,** *iş ady.* Süýnmek ýagdaýy.

**SÜÝNÜŞMEK** [süýnüşmök], *işl.* Kem-kemden süýnmek (birnäçe zat hakynda).

**SÜÝPENT** [süýpent], *at.* Gaýygy desse arkaly saga, çepe öwürýän ýasy tagta.

**SÜÝR: süýr depe** bir zadyň depesi, ýokarsy, üsti, çür başy. *Belent dagyň süýr depesine çenli dyrmaşyp çykan daragtlar tebigatyň baky gözelligi bolup görünýärdi* (G. Kulyýew). **Süýr günortan** günüň günortan bolan wagty, gün orta bolan çagy. *Tomsuň süýr günortany bäş-alty oglan bolup ugradyk* (A. Gowşudow).

**SÜÝREDILMEK** [süýrödülmök], *işl.* Bir zadyň süýrelmegini gazanmak. *Diňe bir suwy, azygy däl, uzyn turbalar-da düýelere süýredilip çekdirilýän çaglary bolýardy* (B. Kerbabaýew).

**SÜÝREG** [süýröğ], *at.* **1.** Süýreme, süýräp, tirkäp alyp gitme, çekme, tirkeg. *Aryp ýadan bolsaň, men seni süýrege alaýyn* ("Görogly"). **2.** *göç.m.* Goldaw, hemaýat, kömek, ýardam, arka. *Süýregiň bolmasa, bitiren işiň görnügi ýok* (B. Gulow).

**SÜÝREKLEME** [süýröklömö], *iş ady.* Süýreklemek ýagdaýy.

**SÜÝREKLEMEK** [süýröklömök], *işl.* Süýräp, itekläp alyp gitmek.

**SÜÝREKLEMEZLIK** [süýröklömözlük], *iş ady.* Süýräp, itekläp alyp gitmezlik.

**SÜÝREKLENMEK** [süýröklönmök], *işl.* Süýrelip, iteklenip alnyp gidilmek.

**SÜÝREKLEŞMEK** [süýröklöşmök], *işl.* Birnäçe bolup süýreklemek.

**SÜÝREKLETMEK** [süýröklötmök], *işl.* Süýreklemek işini başga birine etdirmek.

**SÜÝREKLEÝIŞ** [süýröklöýüş], *iş ady.* Süýreklemek ýagdaýy.

**SÜÝREKLÄBERMEK** [süýröklä:vermek], *işl.* Süýrekläp başlamak.

**SÜÝRELIBERMEK** [süýrölüvermek], *işl.* Süýri görnüşe geçibermek, süýnmek bolubermek.

**SÜÝRELIŞMEK** [süýrölüşmök], *işl.* Süýri, süýnmek bolup başlamak.

**SÜÝRELMEK** [süýrölmök] **I**, *işl.* Süýri görnüşe geçmek, süýnmek bolmak. *Onuň çagajyk wagtynda saralan kellesi süýrelip durdy* (A. Gowşudow).

**SÜÝRELMEK** [süýrölmök] **II**, *işl.* **1.** Ýeriň ýüzi bilen çekilip alnyp gidilmek. **2.** Zorluk edilip alnyp gidilmek, güýç bilen çekilmek. *Urulyp, süýrelip atyň yzynda, Essi aýlyp, ysgyn ýokdy özünde* (N. Pomma). **3.** Köp geýlip köneldilmek. *Onuň keltekçesi süýrelip, takyry çykypdyr.* **3.** *göç.m.* Hemaýat edilmek, kömek berilmek, goldanmak, arka durulmak. **4.** *göç.m.* Bir iş üçin köp gatnadylmak, köp çagyrylmak. **5.** Zorluk bilen alnyp gaçylmak (gyz hakynda).

**SÜÝRELMEKLIK** [süýrölmöklük], *iş ady.* Süýrelmek ýagdaýy.

**SÜÝRELMEZLIK** [süýrölmözlük], *iş ady.* Süýri görnüşe eýe bolmazlyk, süýnmezlik.

**SÜÝRELTMEK** [süýröltmök], *işl.* **1.** Süýri görnüşe eýe boldurmak, süýnmek etmek. **2.** *gepl.d.* Öňe uzatmak (uzadyp bolýan zat hakda). *Soň ol elini süýreldip, baryp: – Salam, Çary mugallym, men seni görmändirin, bagyşlarsyň – diýdi, görüşdi* (A. Durdyýew).

**SÜÝREME** [süýrömö], *iş ady.* Süýremek ýagdaýy.

**SÜÝREMEK** [süýrömök], *işl.* **1**. Ýeriň ýüzi bilen çekip alyp gitmek. *Bäş-alty adam Börini, onuň ýoldaşlaryny süýräp äkitdi* (B. Seýtäkow). **2**. Tirkege almak, tirkäp alyp gitmek, çekmek. *Arabany maşyn bilen süýräp, palçykdan çykardylar.* **3**. Köp geýip köneltmek. *Men bu köwşi köp süýredim.* **4**. *göç.m.* Hemaýat etmek, kömek bermek, goldamak, arka durmak. *Durmuşda birek-biregi süýremeli hem bolýar.* **5**. *göç.m.* Bir iş boýunça köp gatnatmak, ondan-oňa çagyrmak. *Ony üç aýlap süýränlerinden soň, pugta käýinç beripdirler.* **6**. *kön.s.* Zorluk bilen alyp gaçmak ( gyz hakynda). *Bu gün gelip, obadan gyz süýreseler, ertir gelip, heleý süýrärler* (H. Derýaýew).

**SÜÝREMEKLIK** [süýrömöklük], *iş ady.* Süýremek ýagdaýy.

**SÜÝREMEZLIK** [süýrömözlük], *iş ady.* Süýremek hereketini etmezlik.

**SÜÝRENDIRMEK** [süýrönnürmök], *işl.* Süýrenmäge mejbur etmek. *Aý, meniň işim haýyr weli, Sazagy şol süýrendirip ýörşüň bilen onuň akylyna biraz kast edermikäň öýdýän* (B. Kerbabaýew).

**SÜÝRENIJILER** [süýrönüjülör], *at.* Esasan, süýrenip, garynlaryny ýere berip hereket edýän oňurgaly haýwanlar topary (ýylan, suwulgan, hažžyk krokodil, zemzen we beýlekiler ).

**SÜÝRENIŞMEK** [süýrönüşmök], *işl.* Birnäçe bolup süýrenmek. *Bu ikisiniň yzda süýrenişini görüp, olaryň ýanlaryna bardy* (A. Durdyýew).

**SÜÝRENJEŇ** [süýrönjöň], *syp.* Işi wagtynda ýerine ýetirmeýän, asgynjaklyk edýän, yzda galýan, yzda süýrenýän. *Süýrenjeň işgär.*

**SÜÝRENJEŇLIK** [süýrönjöňlük], *at.* **1**. Süýrenjeň bolmaklyk. **2**. Hysyrdy, alada. *Ýola düşüp gidiberýänçä, süýrenjeňligi köp bolýar* ("Edebiýat we sungat")

**SÜÝRENJEŇRÄK** [süýrönjöňürä:k], *syp.* Az-kem süýrenjeň, yzagalagrak.

**SÜÝRENMEK** [süýrönmök], *işl.* **1**. Garnyňy ýere degrip, ýeriň ýüzi bilen süýşüp gitmek, süýşeneklemek (haýwan, adam hakynda). *Esgerler ep-esli aralygy süýrenip geçdi.* **2**. Yza galmak, yza galyp işlemek. *Öň hem yzagalaklyga ýol berip, iliň yzynda süýrenen däldiris.* **3**. Uzyn saçy ýere degmek, öz boýundan hem uzyn bolmak. *Onuň gulaç gara saçlary ýerden süýrenip barýardy* (H. Derýaýew). **4**. Uzak wagt aralygyny zordan, azaply geçirmek. *Süýrenip gyşdan çykdy.*

**SÜÝRENTGI** [süýröntgü], *at.* **1**. Süýrenilip geçilen yz. *Suwulganlaryň, syçanlaryň süýrentgi yzlarynyň arasynda towşanlaryň, tilkileriň irimçik yzlary hatara möhüm bolup görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **2.** Gapana dakylýan çeňňek.

**SÜÝREŞMEK** [süýröşmök], *işl.* **1**. Süýremäge kömekleşmek. **2**. Bileleşip süýremek. **3**. *göç.m.* Zorluk bilen alyp gaçmaga ýardam bermek.

**SÜÝRETMEK** [süýrötmök], *işl.* Süýremek işini başga birine etdirmek; süýremäge mejbur etmek; süýremegine ýol bermek.

**SÜÝREÝIŞ** [süýröýüş], *iş ady.* Süýremek ýagdaýy.

**SÜÝRÄBERMEK** [süýrä:vermek], *işl.* Süýräp başlamak, süýremegini dowam etdirmek.

**SÜÝRI** [süýrü], *syp.* Süýnmek şekilli, süýnmek. *Süýri garpyz.*

**SÜÝRÜJE** [süýrüjö], *syp.* Süýrüden göze ýakymly (gowy görülýän kiçijik zat hakynda). *Süýrüje terne.*

**SÜÝŞENEKLEME** [süýşönöklömö], *iş ady.* Süýşeneklemek ýagdaýy.

**SÜÝŞENEKLEMEK** [süýşönöklömök], *işl.* Ýatyp ýa-da oturyp ýuwaşjadan bir tarapa süýşmek, süýşüp öňe hereket etmek.

**SÜÝŞENEKLEMEKLIK** [süýşönöklömöklük], *iş ady.* Süýşeneklemek ýagdaýy.

**SÜÝŞENEKLEMEZLIK** [süýşönöklömözlük], *iş ady.* Ýatyp ýa-da oturyp ýuwaşjadan bir tarapa süýşmezlik, süýşüp öňe hereket etmezlik.

**SÜÝŞENEKLEŞMEK** [süýşönöklöşmök], *işl.* Birnäçe bolup ýatyp ýa-da oturyp ýuwaşjadan bir tarapa hereket etmek.

**SÜÝŞENEKLETMEK** [süýşönöklötmök], *işl.* Ýatyryp ýa-da oturdyp ýuwaşjadan bir tarapa hereket etdirmek.

**SÜÝŞENEKLEÝIŞ** [süýşönöklöýüş], *iş ady.* Süýşeneklemek ýagdaýy.

**SÜÝŞENEKLÄBERMEK** [süýşönöklä:vermek], *işl.* Süýşeneкläp ugramak.

**SÜÝŞME** [süýşmö], *iş ady.* Süýşmek ýagdaýy.

**SÜÝŞMEK** [süýşmök] **I**, *işl.* **1**. Garnyňy ýere berip hereket etmek, süýşeneklemek. *Serhetçi süýşüp ugrady.* **2**. Ýeriň ýüzi bilen typyp gaýtmak. *Dagyň eräp ugran garlary süýşüp, ýoly baglady.* **3**. Ýuwaşlyk bilen bir tarapa hereket etmek. *Ol ýuwaşja süýşüp gelýän gämileri gördi.* **4**. Oturan ýeriňden gozganmak, oturan ýeriňi azajyk üýtgetmek. *Azajyk gyrarak süýşsene.* **5**. Gaty köp adam gelmek, barmak. *Toýa aýal-erkek, uly-kiçi diýmän hemmesi süýşüp barypdyr.*

**SÜÝŞMEK** [süýşmök] **II**, *işl.* Gereginden artyp galmak, tygşytlanyp galmak. *Gaýnag suwumyz süýşse, siziň hem çäýnegiňizi demläris! Pul süýşse, aljak zadym kop.*

**SÜÝŞMEKLIK** [süýşmöklük] **I,** *iş ady.* Süýşmek ýagdaýy.

**SÜÝŞMEKLIK** [süýşmöklük] **II,** *iş ady.* Süýşmek, artyp galmak ýagdaýy.

**SÜÝŞMEZLIK** [süýşmözlük], *iş ady.* Süýşmek hereketini etmezlik.

**SÜÝŞÜBERMEK** [süýşüvermek], *işl.* Ýuwaşlyk bilen bir tarapa hereket edibermek, ýeriňden gozganybermek.

**SÜÝŞÜLMEK** [süýşülmök], *işl.* Ýuwaşlyk bilen bir tarapa hereket edilmek.

**SÜÝŞÜRIBERMEK** [süýşürüvermek] **I,** *işl.* Bir zady duran ýerinden bir tarapa iteläp, gozgap, ýerini üýtgedibermek, itibermek.

**SÜÝŞÜRIBERMEK** [süýşürüvermek] **II,** *işl.* Tygşytlap goýubermek.

**SÜÝŞÜRILMEK** [süýşürülmök] **I,** *işl.* **1.** Bir zat itelenip, gozgalyp, onuň duran ýeri üýtgedilmek. *Maşynlar ýoluň gyrasyna süýşürildi.* **2.** Geçirilýän bir çäräniň bolmaly wagty, işiň möhleti we ş.m. yza geçirilmek, yza çekilmek. *Ýygnak ertire geçirildi.*

**SÜÝŞÜRILMEK** [süýşürülmök] **II,** *işl.* Tygşytlanyp goýulmak.

**SÜÝŞÜRINTGI** [süýşürüntgü], *at.* Süýşürilip, artdyrylyp goýlan pul we ş.m. zat.

**SÜÝŞÜRIŞ** [süýşürüş], *iş ady.* Süýşürmek ýagdaýy.

**SÜÝŞÜRIŞDIRMEK** [süýşürüşdürmök], *işl.* Birnäçe zady bir tarapa süýşürip çykmak, iteleşdirmek, ýerinden üýtgedişdirmek, gozgaşdyrmak. *Gap-çanaklary bir çete süýşürişdirdi.*

**SÜÝŞÜRIŞMEK** [süýşürüşmök], *işl.* **1.** Süýşürmäge kömek bermek. *Içi üzümli gapyrjaklary ýoluň gyrasyna süýşürişdi.* **2.** Bilelikde süýşürmek. *Süýşürişip durmak.*

**SÜÝŞÜRME** [süýşürmö], *iş ady.* Süýşürmek ýagdaýy.

**SÜÝŞÜRMEK** [süýşürmök] **I,** *işl.* **1.** Bir zady iteläp, gozgap, onuň duran ýerini üýtgetmek. *Kemine zürrük telpegini maňlaýyna süýşürýär-de, eşege atlanýar* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden). *Maşynyňy eýleräk süýşür.* **2.** Geçirilýän bir çäräniň bolmaly wagtyny, işiň möhletini we ş.m. yza geçirmek, yza çekmek. *Maslahaty bäşe süýşürmesek, adamlaryň hemmesi ýetişjek däl.*

**SÜÝŞÜRMEK** [süýşürmök] **II,** *işl.* Tygşytlap goýmak, harçlaman tygşytlamak. *Sygyr alar ýaly puljagaz süýşürmek hakynda oýlansaň, has gowy bolardy* (B. Kerbabaýew).

**SÜÝŞÜRMEKLIK** [süýşürmöklük] **I,** *iş ady.* Süýşürmek, gozgamak ýagdaýy.

**SÜÝŞÜRMEKLIK** [süýşürmöklük] **II,** *iş ady.* Süýşürmek, tygşytlamak ýagdaýy.

**SÜÝŞÜRMEZLIK** [süýşürmözlük], *iş ady.* Süýşürmek işini ýerine ýetirmezlik.

**SÜÝŞÜRTMEK** [süýşürtmök] **I,** *işl.* Süýşürmek işini başga birine etdirmek. *Ýük galdyrylýan sandygy diwara tarap süýşürtmek.*

**SÜÝŞÜRTMEK** [süýşürtmök] **II,** *işl.* Süýşürmäge mejbur etmek, süýşürmäge mümkinçilik döretmek, süýşürer ýaly etdirmek. *Pul süýşürtmek.Galla süýşürtmek.*

**SÜÝŞÜŞ,** *iş ady.* Süýşmek ýagdaýy.

**SÜÝŞÜŞMEK** [süýşüşmök], *işl.* Ýuwaşlyk bilen bir tarapa hereket etmek, ýerinden gozganmak (birnäçe adam ýa-da zat hakynda). *Bulutlar süýşüşýär, ýyldyrym çakýar.*

**SÜÝT I,** *at.* **1.** Çaga emdirmek üçin aýallaryň göwüs we süýdemdirijileriň ýelin mäzlerinde döreýän ýokumly ak suwuklyk. *Dünýä inip agzyň süýde ýetende, Gyzgyn süýdün emdir ene ýüregi* (M. Myşşyýew). **2.** Sygyr, düýe, ýylky, goýun, geçi we ş.m. käbir haýwanlardan saglyp alynýan iýmitlik suwuk önüm. *Sygyr diňe alty aý süýt berýär.* **3.** Käbir ösümlikleriň baldajyklaryndan çykýan ak ergin.

◊ **Süýtden aýyrmak** emýän çagany ene süýdüni emmekden kesmek. **Süýdüne galmak** çagasy süýtden aýrylmanka göwreli bolmak. **Süýdüni ýandyrmak** saglyp duran düýe, sygyr bir sebäbe görä sagdyrmazlyk, süýdüni kesmek. **Süýt haky** köne däbe görä, gyz çykarylanda, gyzyň ejesine emdiren süýdi mynasybetli guda tarapyndan belli bir mukdarda berilýän hak. **Süýt kädi** uly göwrümli, içi boş, süýt sagylýan, suw daşalýan kädi. *Aýallar süýt kädilerini, kersen-çanaklaryny, gazanlaryny ýuwuşdyryp taýýarlapdyrlar* (H. Derýaýew). **Süýt kesilmek** belli bir sebäbe görä bişirilýän süýt çüýräp zaýalanmak. **Süýt kölüne batyrmak** köp, gowy zady wada bermek.

**SÜÝT II:** *hal.* **süýdüne (göterimine) almak (bermek)** belli bir mukdardaky puly birine berip, soň üstüne goýup almak ýa-da bermek. *Süýde berip, ýygnar maly* (Zelili).

**SÜÝTÇI** [süýtçü], *at.* **1.** Süýt getirip satýan adam. *Her gün irden süýtçi süýt getirerdi.* **2.** *gepl.d.* Süýt içmegi gowy görýän (adam hakynda).

**SÜÝTÇÜLIK** [süýtçülük], *at.* Oba hojalygyň süýt öndürmek bilen meşgul bolýan pudagy.

**SÜÝTDEŞ** [süýtdöş], *syp.* Bir eneden, bir atadan bolan. *Süýtdeş dogan.*

**SÜÝTHOR** [süýtho:r], *at.* Peýda görmek üçin pul, zat karz berýän peýdakeş.

**SÜÝTHORÇYLYK** [süýtho:rçuluk], *at, ser.* **Süýthorlyk.**

**SÜÝTHORLYK** [süýtho:rluk], *at.* Süýthoryň käri, ýagdaýy.

**SÜÝTLEŇŇIÇ** [süýtlöňňüç / süýtlöňğüç] **I,** *at.* Dik baldakly, mawy gülli, ak şireli ösümlik, ot. *Süýtleňňiç ýaly biderek haşal otlardan başga bu ýerde hiç zat ýokdy* (A. Gowşudow).

**SÜÝTLEŇŇIÇ** [süýtlöňňüç / süýtlöňğüç] **II,** *at, haýwanat d.* Üstki güberçek okarajygy gara, gyzyl menekli, ganatlyja möjejik, okaraň getir süýt bereýin, kekene kysmy möjejik.

**SÜÝTLI** [süýtlü], *syp.* **1.** Köp süýt berýän, süýdi köp sagdyrýan. *Bu gaty süýtli sygryň tohumyndandyr* (A. Gowşudow). **2.** Içine süýt guýlan. *Aknabat eje-de süýtli bedresini alyp öýüne girdi* (A. Durdyýew). **3.** Hamyr ýugrulan suwa süýt goşulan, garylan. *Süýtli köke.*

◊ **Süýtli aş** *ser.* **Süýtli şüle** süýtde gaýnadylyp bişirilýän tüwi. *Süýtli şüle bişirmek.*

**SÜÝTLÜLIK** [süýtlülük], *at.* Süýdi köplük, köp süýt berijilik. *Her bir sygryň süýtlüligi ozalkysyna garanyňda artdy.*

**SÜÝTLÜPEÇEK,** *at.* Baldajygy süýt ýaly ak, şireli çyrmaşýan ot, akpeçek, çyrmaşyk.

**SÜÝTLÜRÄK** [süýtlürä:k], *syp.* Birneme süýtli.

**SÜÝTSÜZ** [süýssüz], *syp.* **1.** *hal.* Süýdüň ýoklugy. *Çagalar süýtsüz kösenýär.* **2.** *syp.* Süýdi az berýän, süýtli däl. *Süýtsüz geçi.* **3.** Süýt garylmadyk. *Süýtsüz kofe.*

◊ **Süýtsüz mälemek** netijesiz gürlemek.

**SÜÝTSÜZLIK** [süýssüzlük], *at.* **1.** Içmäge süýt bolmazlyk, süýt ýokluk. **2.** Süýdi azlyk, az süýt berijilik. *Sygrymyzyň süýtsüzligi köp zada täsir edýär.*

**SÜÝTSÜZRÄK** [süýssüzürä:k], *syp.* Süýdi azrak.

**SÜÝÜBERMEK** [süýüvermek], *işl.* Süýüp başlamak; dowamy süýmek.

**SÜÝÜLMEK** [süýülmök], *işl.* Ýüň, pamyk we ş.m. zatlardan süýüm edilmek. *Bular pagtanyň süýülýän ýerinde, egrilýän ýerinde, dokalýan ýerinde işleşip, işde täze üstünlikler gazanýarlar* (A. Durdyýew).

**SÜÝÜM,** *at.* **1**. Ösümlik dokumalaryndan, haýwanlaryň ýüňünden alynýan ýüplük görnüşli süýülýän önüm. *Pagtanyň ajaýyp süýümi bar*. **2**. Ýüňüň, pagtanyň soňundan egirmek üçin süýlüp goýlan görnüşi.

**SÜÝÜMLI** [süýümlü], *syp.* Süýümi bolan. *Uzyn süýümli pagtaçylygy ösdürmekde ol köp işler etdi* (G. Gurbansähedow).

**SÜÝÜMLIRÄK** [süýümlürä:k], *syp.* Süýümi adatdakydan gowurak.

**SÜÝÜŞMEK** [süýüşmök], *işl.* **1**. Süýmäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde süýmek.

**SÜZDÜRMEK** [süzzürmök], *işl.* Süzmek işini başga birine etdirmek.

**SÜZGEGRÄK** [süzğöğürä:k], *syp.* Birneme süzülibräk duran (göz hakynda).

**SÜZGEK** [süzğök], *syp.* **1.** Birneme süzülip, kirpikleri biri-birine ýakynlap duran (göz hakynda). *Çynaryň guwançdan doly, şadyýan oýnaklaýan gözleri şol süzgek gözlerdedi* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Çala dokalan, syk däl. *Süzgek mata.*

**SÜZGEKLEDIBERMEK** [süzğöklödüvermek], *işl.* Gözüňi süzübermek, süzgekledip başlamak.

**SÜZGEKLEDIŞ** [süzğoklödüş], *iş ady.* Süzgekletmek ýagdaýy.

**SÜZGEKLETDIRMEK** [süzğöklötdürmök], *işl.* Süzgekledip sereder ýaly etmek.

**SÜZGEKLETME** [süzğöklötmö], *iş ady.* Süzgekletmek ýagdaýy.

**SÜZGEKLETMEK** [süzğöklötmök], *işl.* Gözüňi süzgeklemek katdyna ýetirmek, gözüňi süzmek. *Ol agyr göwresini ilerräk omzadyp, ullakan ala gözlerini süzgekletdi.*

**SÜZGEKLETMEKLIK** [süzğöklötmöklük], *iş ady.* Süzgekletmek ýagdaýy.

**SÜZGEKLETMEZLIK** [süzğöklötmözlük], *iş ady.* Gözüňi süzmezlik.

**SÜZGI** [süzğü], *at, ser.* **Süzgüç 1.**

**SÜZGÜÇ** [süzğüç], *at.* **1.** Suwuklygy süzmek, arassalamak üçin ownuk gözli ýörite enjam. *Süýdi süzgüçden geçirip, gor küýzä guýdy.* **2.** Balyk tutmak üçin ulanylýan toruň bir görnüşi.

**SÜZGÜÇLIK** [süzğüşlük], *syp.* Süzgüç etmek üçin gerekli (hasa). *Süzgüçlik hasa.*

**SÜZME** [süzmö], **1**. *iş ady.* Süzmek ýagdaýy. **2.** *at.* Goýy gatygyň suwy süzülip aýrylan galyndysy. *Nabat eje bir käsejik süzme getirip çal etdi* (A.Durdyýew).

◊ **Süzme çalmak** süzmäniň üstüne suw guýup garmak. **Süzme deri** içine gatyk guýlup, suwy süzülýän dowar derisinden edilýän gap. **Süzme derisi ýaly** gaty derlek, derlegen (adam hakynda). **Süzme palaw** tüwüsi suwda aýratyn gaýnadylyp süzülenden soň, aýratyn bişirilen eti-hurşy üstüne guýlup taýýarlanýan palaw. *Şüle, süzme palaw, ýahna her gün dokuz dürli tagamy häzir etdi* ("Görogly").

**SÜZMEK** [süzmök], *işl.* **1.** Suwuklygy arassalamak üçin süzgüçden geçirmek. *Süýdi arassa hasanyň üsti bilen süzüp almak gerek.* **2.** *göç.m.* Çaýy we ş.m. ýuwaşlyk bilen howlukman, hezilini görüp içmek, lezzet alyp içmek. *Kakam bolsa eýwanda tirsekläp, gök çaý süzýändir* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Kirpikleriňi biri-birine ýakyn getirip seretmek. *Diýdim weli, gözün süzüp, Bir daýandy tirsegine* (K. Gurbannepesow). **4.** Tor, süzgüç bilen balyk tutmak.

**SÜZMEKLIK** [süzmöklük], *iş ady.* Süzmek ýagdaýy.

**SÜZMETOR** [süzmötor], *at.* El güýji bilen süzüp balyk tutmak üçin tor.

**SÜZMEZLIK** [süzmözlük], *iş ady.* Süzmek işini ýerine ýetirmezlik.

**SÜZÜBERMEK** [süzüvermek] **I,** *işl.* Süzüp başlamak.

**SÜZÜBERMEK** [süzüvermek] **II,** *işl., gepl.d.* Bir sebäbe görä, biriniň ýanyndan ýumlugybermek, gidibermek, gaçybermek. *Gözüni alartdy welin, ol süzüberdi.*

**SÜZÜGRÄK** [süzüğrä:k], *syp.* Az-owlak süzük, süzülgi, süzülen (göz hakynda).

**SÜZÜK,** *syp.* **1.** Kirpikli gabaklar biri-birine ýakynlaşan, süzülen (göz hakynda). *Gollary hynaly, bendinde ýüzük, Edep bilen sözlär, gözleri süzük* ("Görogly"). **2.** Ýukalyp ýyrtylara gelen, sary giden, könelişen (geýim hakynda).

**SÜZÜLIŞMEK** [süzülüşmök], *işl.* **1.** Geýimiň dyzy ýa-da tirsegi ýukalyp ýyrtylara gelmek, sary gidip ugramak. *Penjegiň iki ýeňi hem süzülişip, ýyrtyljak bolup dur.* **2**. *göç.m.* Birnäçe bolup näzirgeşip oturmak, näzirgeşip durmak. *Gelindir gyzlar çaý başynda süzülişip otyrdylar.*

**SÜZÜLJIREME** [süzüljürömö], *iş ady.* Süzüljiremek ýagdaýy.

**SÜZÜLJIREMEK** [süzüljürömök], *işl.* Kirpikli gabaklaryňy biri-birine ýakynlaşdyryp, näzli garaýyş etmek. *Leýla enaýy bir gözellik bilen süzüljireýärdi* (G. Kulyýew).

**SÜZÜLJIREMEKLIK** [süzüljürömöklük], *iş ady.* Süzüljiremek ýagdaýy.

**SÜZÜLJIREMEZLIK** [süzüljürömözlük], *iş ady.* Süzüljiremek hereketini etmezlik.

**SÜZÜLJIRETMEK** [süzüljürötmök], *işl.* Süzüljiremek katdyna ýetirmek.

**SÜZÜLJIREÝIŞ** [süzüljüröýüş], *iş ady.* Süzüljiremek ýagdaýy.

**SÜZÜLJIRÄBERMEK** [süzüljürä:vermek], *işl.* Süzüljiräp başlamak.

**SÜZÜLMEK** [süzülmök], *işl.* **1.** Suwuklygy arassalamak üçin süzgüçden geçirilmek. *Süzülen suw arassa we dury bolýar.* **2.** Keýp alyp içilmek, lezzet alnyp içilmek. *Balyk gowrulýar, gök çaý süzülýär* (B.

Seýtäkow). **3.** Gözüň ýumlup, kirpikleriň bir-birine ýakynlaşmak, ukyň tutmak. *Oraz süzülip duran gara gözlerini ýalpa açdy-da, uludan dem aldy* (B. Pürliýew). *Ukyň tutýarmy, süzülip otyrsyň?* **4.** Tor taşlap balyk tutulmak. **5.** Ýukalyp ýyrtylyp başlamak, sary gitmek, könelmek. *Egnindäki maldaý çabydyň tirsekleri süzülipdir* (K. Gurbannepesow).

**SÜZÜŞ,** *iş ady.* Süzmek ýagdaýy.

**SÜZÜŞMEK** [süzüşmök], *işl.* **1.** Süzmäge kömekleşmek. **2.** Bilelikde süzmek.

**SYBYRGAÝ** [syvyrğaý], *syp.* Ýaş çagasyz (aýal maşgala hakynda).

**SYÇAN,** *at.* Tumşugy inçe, murtluja, guýrukly gemriji jandar. *Pişik ýazu-gyş syçan tutarmyş, Diňe doýansoň, myrlap ýatarmyş* (R. Seýidow).

◊ **Syçan ýyly** müçe hasabynyň birinji ýylynyň ady.

**SYÇANÇY,** *at.* Ýyrtyjy guş, gyrgylar maşgalasyndan bolan mör-möjek iýýän guş.

**SYÇANYZY** [syçany:zy], *at.* Hala salynýan nagyşlaryň bir görnüşiniň ady.

**SYÇRABERMEK** [syçyra:vermek], *işl.* **1.** Damja-damja, däne-däne bolup, syçrap ýaýrabermek. **2.** Ot, uçgun syçrap başlamak.

**SYÇRAMA** [syçyrama], *iş ady.* Syçramak ýagdaýy.

**SYÇRAMAK** [syçyramak], *işl.* **1.** Damja-damja bolup ýaýramak. *Biz ter otlardan syçrap, elimize, ýüzümize degýän damjalara keýp edip haýdaýarys* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *gepl.d.* Çalt hereket etmek, böküp turmak, çalt ýeriňden galmak. *Ol syçrap ýerinden turdy.* **3.** Ot bolejikleri, uçgun pytramak, ýaýramak. *Çalynýan pyçakdan uçgun syçraýardy.*

**SYÇRAMAKLYK** [syçyramaklyk], *iş ady.* Syçramak ýagdaýy.

**SYÇRAMAZLYK** [syçyramazlyk], *iş ady.* Syçrap durmazlyk.

**SYÇRATGY** [syçyratgy] **I,** *at.* Syçrap ýaýran suwuklyk damjalary. *Onuň etekleri hem syýlary syçratgy palçyklar bilen bezelipdir* (A. Gowşudow).

**SYÇRATGY** [syçyratgy] **II,** *at.* Dik baldakly, ýapragy baldagynyň düýbünde bolýan mawy gülli ot.

**SYÇRATGY** [syçyratgy] **III,** *at.* Esasan, çagalaryň ýüzüne çykýan, suwy degen ýerini ýara edýän suwluja düwürtik.

**SYÇRATMAK** [syçyratmak], *işl.* **1.** Suwuklyk damjalaryny dumly-duşa pytratmak. **2.** Ot, uçgun ýaly zady ýalpyldap gider ýaly etmek.

**SYDYRDYŞ,** *iş ady.* Sydyrtmak ýagdaýy.

**SYDYRGYN** [sydyrğy:n]: **bir sydyrgyn** bir boluşda, bir ýagdaýda, yzygiderli. *Onuň düwünleri ýumralan barmaklary näzik sapagy bir sydyrgyn towlady* (B. Kerbabaýew).

**SYDYRTMA,** *iş ady.* Sydyrtmak ýagdaýy.

**SYDYRTMAK,** *işl.* Bir zadyň ýüzüni çyzmak, sypjyryp yz galdyrmak.

**SYGAN** [syğa:n], *at, ser.* **Syganlar.**

**SYGANLAR** [syğa:nlar], *at.* Dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan halk, şonuň ýaly-da, şol halka degişli adamlar.

**SYGAŇKYRLAMAK** [syğaňkyrlamak], *işl.* Göwrümli gabyň, zadyň içinde ýerleşeňkirlemek, sygmaga golaýlaşmak.

**SYGDYRMAK** [syğdyrmak], *işl.* **1.** Göwrümli gabyň, zadyň içinde ýerleşdirmek. *Ol ähli zadyny bir gaba sygdyrdy.* **2.** *göç.m.* Orun bermek, ylalaşykly, oňşuk eder ýaly ýagdaý döretmek, agzybirlik bilen bilelikde ýaşamak. *Ýalňyşmaýan bolsam, şeýle gylyk ony märekä sygdyrmaz* (B. Kerbabaýew).

**SYGMA** [syğma], *iş ady.* Sygmak ýagdaýy.

**SYGMAK** [syğmak], *işl.* Jaýyň, köýnegiň, köwşüň we ş.m. içine ýerleşmek. *Aýagym beren köwşüňe sygarmyka? Munça adam jaýa sygar oýd)ýärmiň?*

**SYGMAKLYK** [syğmaklyk], *iş ady.* Sygmak ýagdaýy.

**SYGMAZLYK** [syğmazlyk], *iş ady.* **1.** Göwrümli zadyň içine ýerleşmezlik.

**SYGNABERMEK** [syğna:vermek], *işl.* Betnebislik bilen sygnap başlamak.

**SYGNALMAK** [syğnalmak], *işl.* Betnebislik bilen iýilmek, köp iýilmek, symyşlanmak.

**SYGNAMA** [syğnama], *iş ady.* Sygnamak ýagdaýy.

**SYGNAMAK** [syğnamak], *işl.* Betnebislik bilen iýmek, köp iýmek, symyşlamak. *Ine, bir gün welin mazaly ajygan pişik goşda goýlan etden gowy sygnapdyr* (B. Annageldiýew).

**SYGNAMAZLYK** [syğnamazlyk], *iş ady.* Betnebislik bilen iýmezlik, symyşlamazlyk.

**SYGNAŞMAK** [syğnaşmak], *işl.* Birnäçe adam sygnamak. *Başlaryny galdyrman, sygnaşyp otyrdylar.*

**SYGNATMAK** [syğnatmak], *işl.* Sygnamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek.

**SYGNAÝYŞ** [syğnaýyş], *iş ady.* Sygnamak ýagdaýy.

**SYGNYBERMEK** [syğnyvermek], *işl.* Sygnyp başlamak.

**SYGNYLMAK** [syğnylmak], *işl.* Keramatla ynanylyp, ondan kömek soralmak.

**SYGNYŞ** [syğnyş], *iş ady.* Sygynmak ýagdaýy.

**SYGNYŞMAK** [syğnyşmak], *işl.* Birnäçe adam sygynmak.

**SYGSY** [syğsy], *at.* Dokmanyň erşi gowşanda dokma agajy bilen gazyk arasynda kakylýan kiçijik ýasy agaç. *Sygsy kakyşyp, oňa dokmanyň badyny sazlaşýardy* (N. Pomma).

**SYGŞYKLY** [syğşykly], *syp.* **1.** Köp zat ýerleşer ýaly, ýerleşikli. *Ýygnap goýmaly zatlarymyz köpdür, sygşykly ýerleşdirjek bol.* **2.** Köp adam sygar ýaly. *Sygşykly oturmasaňyz, adamlaryň sygmadygy bolar.*

**SYGŞYKLYLYK** [syğşyklylyk], *at.* Sygsykly bolmaklyk.

**SYGYM** [syğym], *at.* Bir göwrümli gabyň öz içine sygdyryp biliş derejesi, göwrümi.

**SYGYMLY** [syğymly], *syp.* Köp zat sygýan, göwrümli. *Sygymly gap.*

**SYGYMLYLYK** [syğymlylyk], *at.* Köp zat sygmaklyk, göwrümi ululyk, göwrümlilik.

**SYGYMLYRAK** [syğymlyra:k], *syp.* Göwrümliräk, içine köpräk zat sygýan.

**SYGYMSYZ** [syğymsyz], *syp.* Köp zat sygmaýan, göwrümi kiçi. *Sygymsyz gap.*

**SYGYMSYZLYK** [syğymsyzlyk], *at.* Köp zat sygyşmazlyk, kiçi göwrümlilik.

**SYGYNDYRMAK** [syğynnyrmak], *işl.* Gudraty güýçli Alla Tagala, keramatlylara ynanyp, olardan kömek soratmak.

**SYGYNMA** [syğynma], *iş ady.* Sygynmak ýagdaýy.

**SYGYNMAK** [syğynmak], *işl.* Keramatlylara ynanyp, olardan kömek soramak, kömek islemek. *Sen sygyngyn erenlere, pirlere, Hünäri meýdanda belli Görogly* ("Görogly").

**SYGYNMAKLYK** [syğynmaklyk], *iş ady.* Sygynmak ýagdaýy.

**SYGYR** [syğyr], *at.* Süýt berýän, uly göwreli, şahly, goşa toýnakly öý haýwany, gara mal. *Derrew gölesini goýberdi-de, sygryny sagdy* (A. Durdyýew).

◊ **Sygryň guýrugynda pyçak döwmek** bir işi gutarman goýmak, bir işi tamamlap barýarkaň taşlamak.

**SYGYRDILI** [syğyrdili], *at.* Boýy 30-60 santimetre ýetýän köpýyllyk ýabany ot.

**SYGYRGUÝRUK** [syğyrguýruk], *at.* Syrdam uzyn baldakly, süýnmek ýaprakly, sary gül getirýän ot.

**SYGYRMA** [sy:ğyrma], *iş ady.* Sygyrmak hereketi.

**SYGYRMAK** [sy:ğyrmak], *işl.* Ýumuk dodaklaryň ýa-da gysylan dişleriň arasy bilen öýkenden gelýän howany daşyna kowup, içiňden geçip barýan ýiti, güýçli ses çykarmak, sykylyk atmak, sykylyklamak. *Ýedi ýaşan aty sygyryp suwa ýakma* (Nakyl).

**SYGYRMAKLYK** [sy:ğyrmaklyk], *iş ady.* Sygyrmak ýagdaýy.

**SYGYRMAZLYK** [sy:ğyrmazlyk], *iş ady.* Sykylyk atmazlyk, sykylyklamazlyk.

**SYGYRSIÝDIK** [syğyrsiýdik], *at.* Aýal eşiklerine, tahýa, keçä we ş.m. salynýan egrem-bugram görnüşli nagyş. *Sygyrsiýdik salnyp bejerilen ýaka.*

**SYGYRTMAK** [sy:ğyrtmak], *işl.* Sykylyk atdyrmak, sykylyklatmak.

**SYGYRYBERMEK** [sy:ğyryvermek], *işl.* Sygyryp ugramak.

**SYGYRYLMAK** [sy:ğyrylmak], *işl.* Sykylyk atylmak, sykylyklanmak.

**SYGYRYŞ** [sy:ğyryş], *iş ady.* Sygyrmak ýagdaýy.

**SYGYRYŞMAK** [sy:ğyryşmak], *işl.* Birnäçe bolup sygyrmak.

**SYGYŞ** [syğyş], *iş ady.* Sygmak ýagdaýy.

**SYGYŞMAK** [syğyşmak], *işl.* Birnäçe zat ýa-da adam bir zadyň içine, bir ýere sygmak.

**SYGYŞMAZLYK** [syğyşmazlyk], *iş ady.* Birnäçe adam ýa-da zat bir ýere ýerleşmezlik, bir ýere sygmazlyk. *Ýygnananlar barsalar, Sygyşmandyr içerik* (O. Täçnazarow).

**SYH** [sy:h], *at.* **1.** Çişlik bişirmek üçin ulanylýan, ujy ýiti, ýasyja demir çiş. *Dogramçany syha düzüp goýdular.* **2.** *gepl.d.* Umuman çybyk ýaly sim. *Birentek demir syhy hem taýýarlap, dym-gyzyl edip, ussalar Arabyň dabanynyň teýine basyberdiler* ("Görogly"). **3.**Suwda ownuk balyk tutmak üçin ak gurlanda ulanylýan syryk.

**SYHALABERMEK** [sy:hala:vermek], *işl.* Syhap başlamak.

**SYHALAMA** [sy:halama], *iş ady.* Syhalamak hereketi.

**SYHALAMAK** [sy:halamak], *işl.* Bir zady ikinji bir zada birnäçe gezek syhamak. *Pyçak bilen syhalap kesmek.*

**SYHALAMAKLYK** [sy:halamaklyk], *iş ady.* Syhalamak ýagdaýy.

**SYHALAMAZLYK** [sy:halamazlyk], *iş ady.* Yzly-yzyna syhamazlyk.

**SYHALANMAK** [sy:halanmak], *işl.* Bir zat ikinji bir zada birnäçe gezek syhalmak.

**SYHALAŞMAK** [sy:halaşmak], *işl.* **1.** Syhalamaga kömek etmek. **2.** Bilelikde syhalamak.

**SYHALATMAK** [sy:halatmak], *işl.* Syhalatmak işini başga birine etdirmek.

**SYHALAÝYŞ** [sy:halaýyş], *iş ady.* Syhalamak ýagdaýy.

**SYHAMAK** [sy:hamak], *işl.* Bir zady ikinji bir zada degrip süýkemek.*Ol ýüzüni kese sowup, gyjagyny syhap otyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**SYHLABERMEK** [sy:hla:vermek], *işl.* Syhlamaga başlamak.

**SYHLAMA** [sy:hlama], *iş ady.* Syhlamak ýagdaýy.

**SYHLAMAK** [sy:hlamak], *işl.* Ujy ýiti çiş ýa-da syh bilen teniň bir ýerine sançmak, sünçmek, dürtmek. *Eşegi syhlamak.*

**SYHLAMAKLYK** [sy:hlamaklyk], *iş ady.* Syhlamak ýagdaýy.

**SYHLAMAZLYK** [sy:hlamazlyk], *iş ady.* Syhyny sançmazlyk, sokmazlyk.

**SYHLANMAK** [sy:hlanmak], *işl.* Syh bilen sanjylmak, sünjülmek, dürtülmek.

**SYHLAŞMAK** [sy:hlaşmak], *işl.* Syhlamaga kömek etmek; bilelikde syhlamak.

**SYHLATMAK** [sy:hlatmak], *işl.* Syhlamaga mejbur etmek; syhlamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**SYHLAÝYŞ** [sy:hlaýyş], *iş ady.* Syhlamak ýagdaýy.

**SYH-SYH** [sy:h-sy:h], *syp.* Ujy çiş, syh ýaly bolşup duran. *Oklukirpiniň tikenleri syh-syh bolup dur.*

**SYK,** *syp.* **1.** Erşi ýygy bolup, argajy berk kakylyp dokalan, çal bolmadyk. *Syk mata.* **2.** Inçe, gysby, ýogyn däl. *Bili syk, boýy deraz, Sagrysy meýdanly bedew* (Mätäji).

**SYKAÇ,** *at.* Miweleriň suwuny sykyp almak üçin gural, enjam.

**SYKAJAK: sykajaga salmak** käýemek, gysmak, daşyna geçmek, gyssamak. *"Päleli, päläňi ugrat" – diýip, sykajaga salýarlar* (B. Kerbabaýew).

**SYKALMA,** *iş ady.* Sykalmak ýagdaýy.

**SYKALMAK,** *işl.* Gitdigiçe syk bolmak.

**SYKALMAZLYK,** *iş ady.* Syk bolmazlyk.

**SYKALTMAK,** *işl.* Syk görnüşe getirmek, syk bolar ýaly etmek.

**SYKALYBERMEK** [sykalyvermek], *işl.* Gitdigiçe syk bolmak.

**SYKALYŞ,** *iş ady.* Sykalmak ýagdaýy.

**SYKDYRMAK** *işl.* Sykmak işini başga birine etdirmek. *Naryň suwuny sykdyrmak.*

**SYKLYK,** *at.* Syk bolmaklyk, çal dällik. *Halynyň syklygy onuň hilini gowulandyrýar.*

**SYKMA,** *iş ady.* Sykmak ýagdaýy.

**SYKMAK,** *işl.* **1.** Gysyp suwuny çykarmak (ýuwlan eşik hakynda). **2.** Gysyp, mynçgap, suwuny almak (miwe hakynda). *Sykyp üzümiň suwuny almak.*

**SYKMAKLYK,** *iş ady.* Sykmak ýagdaýy.

**SYKMAN,** *at.* Peýnir, sargan ýaly süýtden taýýarlanýan iýmit.

**SYKMAZLYK,** *iş ady.* Sykmak işini etmezlik.

**SYKRAK** [sykyra:k], *syp.* Berkräk edip dokalan, dokalyşy gaty gowşak däl, azda-kände syk.

**SYKYBERMEK** [sykyvermek], *işl.* Sykyp başlamak.

**SYKYLMAK,** *işl.* **1.** Bir zady gysyp, towlap şiresi, suwy çykarylmak. *Naryň suwy sykylyp alyndy. Ýuwlan geýimler sykylyp serildi.* **2.** *göç.m.* Inçelmek, arryklamak, horlanmak. *Göze dolmuş göwräň birneme sykylan ýaly boldy* (R. Gelenow).

**SYKYLYK** [sy:kylyk], *at.* **1.** Gysylan, batly howa akymy arkaly agyz boşlugunda döreýän ýiti owaz. *Mawyň sykylygyna-da bakman, ondan soň başyny aşak egip, dyzyny gaşamaga durdy* (B. Kerbabaýew). **2.** *gepl.d.* Ýeliň, okuň we ş.m. hereketinden emele gelýän ses. *Oklaryň sykylygynyň astynda düýrülip, ýygrylyp, hüwdülenen ýaly bolup uka gitdi* (H. Ysmaýylow).

**SYKYLYKÇY** [sy:kylykçy], *at.* **1.** Sykylyk atmaga endik edinen (adam, çaga). **2.** Ördegiň sykylyk atýan ýaly ses çykarýan, mele reňkli, gursagy ak görnüşi.

**SYKYLYKLABERMEK** [sy:kylykla:vermek], *işl.* Sykylyklap başlamak.

**SYKYLYKLAMA** [sy:kylyklamaj, *iş ady.* Sykylyklamak ýagdaýy.

**SYKYLYKLAMAK** [sy:kylyklamak], *işl.* **1.** Sykylyk çalmak, sykylyk atmak. *Ol aýdym bilmesede, legenini dep edinip, hiňlenip, sykylyklan bolýar* (N. Pomma). **2.** *gepl.d.* Sykylyk çalýan ýaly şuwwuldyly ses etmek, ses döretmek. *Oklaryň sykylyklaýan sesleri.*

**SYKYLYKLAMAKLYK** [sy:kylyklamaklyk], *iş ady.* Sykylyklamak ýagdaýy.

**SYKYLYKLAMAZLYK** [sy:kylyklamazlyk], *iş ady.* Sykylyk atmazlyk.

**SYKYLYKLAŞMAK** [sy:kylyklaşmak], *işl.* Biri-birine sykylyk atmak. *Olar tokaýyň içi bilen barýarkalar, kämahal bir sykylyklaşyp habarlaşýardylar.*

**SYKYLYKLATMAK** [sy:kylyklatmak], *işl.* Sykylyk atmaga mümkinçilik döretmek.

**SYKYLYKLAÝYŞ** [sy:kylyklaýyş], *iş ady.* Sykylyklamak ýagdaýy.

**SYKYM,** *at.* Gysym.

◊ **Bir sykym (gysym) bolmak** gaty horlanmak, inçelip galmak.

**SYKYŞ,** *iş ady.* Sykmak ýagdaýy.

**SYKYŞMAK,** *işl.* **1.** Sykmaga kömek bermek. **2.** Bilelikde sykmak. *Olar toşap gaýnadyljak üzümi sykyşyp otyrdy.*

**SYLABERMEK** [sy:la:vermek], *işl.* Birine sylag-hormat goýubermek, sarpa goýubermek.

**SYLAÇA,** *at.* Külbike (barmak).

◊ **Sylaça ýaly** kiçijik, keltejik (adam). *Sylaça ýaly gyzyň pikirini gowy gördüňiz?* (R. Gelenow).

**SYLAG** [sy:lağ], *at.* **1.** Özüňden ula ýa-da kiçä goýulýan hormat, sarpa. **2.** Bir işde, zähmetde gazanylan üstünlik üçin berilýän pul ýa-da gymmatbaha zat, sowgat.

**SYLAGLABERMEK** [sy:lağla:vermek], *işl.* Sylaglap başlamak; sylag bermegi dowam etdirmek.

**SYLAGLAMA** [sy:lağlama], *iş ady.* Sylaglamak ýagdaýy.

**SYLAGLAMAK** [sy:lağlamak], *işl.* Sylag bermek. *Meni ýokary sylag bilen sylagladylar.*

**SYLAGLAMAKLYK** [sy:lağlamaklyk], *iş ady.* Sylaglamak ýagdaýy.

**SYLAGLAMAZLYK** [sy:lağlamazlyk], *iş ady.* Sylag bermezlik.

**SYLAGLANMAK** [sy:lağlanmak], *işl.* Sylag berilmek. *Ol ençeme gezek sylaglanypdy.*

**SYLAGLAŞMAK** [sy:lağlaşmak], *işl.* Sylag berişmek.

**SYLAGLATMAK** [sy:lağlatmak], *işl.* Sylag berdirmek. *Ökde ýygymçylary gymmat bahaly zatlar bilen sylaglatdylar.*

**SYLAGLAÝYŞ** [sy:lağlaýyş], *iş ady.* Sylaglamak ýagdaýy.

**SYLAGLY** [sy:lağly], *syp.* **1.** Sylag berilýän, sylaga degişli. *Sylagly orun.* **2.** Hormat-sylag goýulýan, hormatly, sarpaly. *Garry molla obanyň sylagly adamsy* (G. Kulyýew).

**SYLAGLYLYK** [sy:lağlylyk], *at.* Sylagy, hormaty barlyk, hormatlylyk, sarpalylyk. *Ýaşlaryň arasynda sylaglylyk hem gowy zat.*

**SYLAGLYRAK** [sy:lağlyra:k], *syp.* Azda-kände sylagly; sylag-hormaty köpräk.

**SYLAGSYZ** [sy:lağsyz], *syp.* **1.** Sylagy ýok, sylagy bolmadyk, sylag almadyk. **2.** Hormat-sylag edilmeýän, hormatsyz, sarpasyz.

**SYLAGSYZLYK** [sy:lağsyzlyk], *at.* Sylagy ýokluk, sylagly dällik, hormatsyzlyk, sarpasyzlyk.

**SYLAMA** [sy:lama], *iş ady.* Sylamak ýagdaýy.

**SYLAMAK** [sy:lamak], *işl.* **1.** Birine sylag-hormat goýmak, sarpa goýmak. *Ony hemmeler sylaýar.* **2.** *gepl.d., ser.* **Sylaglamak.**

**SYLAMAKLYK** [sy:lamaklyk], *iş ady.* Sylamak ýagdaýy. *Çagalara dogruçyllygy, özüňden ulyny sylamaklygy ündemeli.*

**SYLAMAZLYK** [sy:lamazlyk], *iş ady.* Birine sylag-hormat etmezlik, hormat goýmazlyk.

**SYLANMAK** [sy:lanmak], *işl.* **1.** Birine sylag-hormat edilmek, hormat goýulmak. *Ol gülküler sazanda gaty görýär diýlip, myhman sylanyp goýulýan-a bolmasyn* (N. Saryhanow). **2.** *gepl.d., ser.* **Sylaglanmak.**

**SYLAŞMAK** [sy:laşmak], *işl.* **1.** Biri-biriňi sylamak, biri bilen sylaşykly bolmak. *Ýeke özüň dälsiň olaň diregi, Gowsy sylaşaly birek-biregi* (M. Seýidow). **2.** Birnäçe bolup sylamak.

**SYLAŞYK** [sy:laşyk], *at.* Biri-biriňe goýulýan hormat, edilýän sylag-hormat, sarpa.

**SYLAŞYKLY** [sy:laşykly], *at.* Birek-birege sylaşyk edýän, biri-birini sylaýan. *Sylaşykly bolmak.*

**SYLATMAK** [sy:latmak] *işl.* **1.** Sylamagyny gazanmak, sylar ýaly etmek, hormatlatmak. **2.** *gepl.d., ser.* **Sylaglatmak.**

**SYLAÝYŞ** [sy:laýyş], *iş ady.* Sylamak ýagdaýy.

**SYLGYM** [sy:lğym]**: sylgymyny bermek** bolmaly zady, wakany bilşine görä çalaja dyýdurmak.

**SYLMA** [sy:lma], *iş ady.* Sylmak ýagdaýy.

**SYLMAK** [sy:lmak], *işl.* **1.** Esasan, ýüzüňi eliň iç ýüzi bilen süpürmek. *Eli bilen maňlaýynyň derini syldy* **2.** "Bize-de miýesser etsin, oňat zat" diýip, eliňi ýa-da toý ýaglygyny ýüzüňe, maňlaýyňa degirmek. – *Bir oňatja, aýyň bölegi ýalyjak gyz – diýip, ýüzüne sylypdyr* (A. Durdyýew). **3.** Iki eliňi öňe uzadybrak açyk halynda iç ýüzüni täze dogan çaga, täze dogan aýa we ş.m. tarap tutup, soňundan hem iç tarapyny açylgylygyna maňlaýyňa degirmek (bu hereket yzly-yzyna birnäçe gezek gaýtalanýar). – *Işiňiz şow alsyn – diýip, olaryň giden ugruny ýüzüne syldy* (R. Gelenow).

**SYLMAKLYK** [sy:lmaklyk], *iş ady.* Sylmak ýagdaýy.

**SYLYBERMEK** [sy:lyvermek], *işl.* Sylyp başlamak.

**SYLYŞMAK** [sy:lyşmak], *işl.* Köpçülik bolup sylmak. *Derläp gara suw bolan suwçular derlerini sylyşyp, düşelgä özlerini atdylar.*

**SYMALY** [sy:ma:ly], *syp.* Görkli, sypatly. *Maňlaýy bir garyş, bolsun at ýüzli, Tawus guş symaly, ütelgi gözli (Magtymguly).*

**SYMGYLT** [symğylt], *syp.* Öçügsi gyzyl reňk. *Göze görünmän ýaşan günüň yzyndaky symgylt bulut gyzgylt reňke aýlandy* (B. Kerbabaýew).

**SYMRUG** [symru:ğ], *at.* Erteki-dessan gahrymanlaryny agyr ýagdaýlardan halas edýän hyýaly guş. *Symrugyň ryzky ýetişen, Uçmaga mydarasy ýok* ("Nejep oglan").

**SYMSYK,** *at.* Çalarak düwlen ýumrugyň barmaklar tarapy. *Ol onuň owurdyna ýumruklady, böwrüne symsyk urdy* (B. Kerbabaýew).

**SYMSYKLABERMEK** [symsykla:vermek], *işl.* Symsyklap başlamak.

**SYMSYKLAMA,** *iş ady.* Symsyklamak ýagdaýy.

**SYMSYKLAMAK,** *işl.* Biriniň böwrüne yzly-yzyna symsygyň bilen hürseklemek, urmak. *Ol meni bir syhly symsyklap otyr – diýip, aýtdy* (A. Durdyýew).

**SYMSYKLAMAKLYK,** *iş ady* Symsyklamak ýagdaýy.

**SYMSYKLAMAZLYK,** *iş ady.* Biriniň böwrüne yzly-yzyna symsygyň bilen hürseklemezlik, urmazlyk.

**SYMSYKLANMAK,** *işl.* Symsyk urulmak.

**SYMSYKLAŞMAK,** *işl.* Biri-biriňi symsyklamak. *Olar biri-biriniň böwrüne symsyklaşyp, gülşüp otyrdylar.*

**SYMSYKLATMAK,** *işl.* Symsyklamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Sen näme özüňçe bara-ýoga symsykladyp otyrsyň?*

**SYMSYKLAÝYŞ,** *iş ady.* Symsyklamak ýagdaýy.

**SYMYLJYK,** *syp.* Ýürege düşüp, çala agyryp duran agyry. *Ýöne weli, içinden tutýan symyljyk agyry ony öz erkine goýmazdy* (B. Kerbabaýew).

**SYMYLJYRAMA,** *iş ady.* Symyljyramak ýagdaýy.

**SYMYLJYRAMAK,** *işl.* Bir hili symyljyk agyrmak. *Ertirden bäri kelläm symyljyrap durandan soň, bir azajyk gyşaraýypdym* (B. Kerbabaýew).

**SYMYLJYRAMAKLYK,** *iş ady.* Symyljyramak ýagdaýy.

**SYMYŞLABERMEK** [symyşla:vermek], *işl.* Symyşlap başlamak.

**SYMYŞLAMA,** *iş ady.* Symyşlamak ýagdaýy.

**SYMYŞLAMAK,** *işl.* Gaty köp iýip oturmak, sygnamak. *Gara dere batyp, şol symyşlap otyr* (B. Öwezow).

**SYMYŞLAMAKLYK,** *iş ady.* Symyşlamak ýagdaýy.

**SYMYŞLAMAZLYK,** *iş ady.* Symyşlap iýip oturmazlyk.

**SYMYŞLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup symyşlamak, sygnamak, sümürmek. *Iýmeli zat bolsa-ha Gurban ýadyňyza düşenok, ýeke özüňiz symyşlaşyp otyrsyňyz* (A. Durdyýew).

**SYMYŞLAÝYŞ,** *iş ady.* Symyşlamak ýagdaýy.

**SYN** [sy:n] **I**, *at, gepl.d., ser.* **Syý.** *Amanat don geýseň, synyňy silkeräk* (Nakyl).

◊ **Synyny suwdan saýlamak (çykarmak)** il hatary bolmak.

**SYN** [sy:n] **II**, *at.* **1.** Birini ýa-da bir zady her tarapdan gözden geçiriş. *Adamzady tanap bolmaz syn bilen* (Magtymguly). **2.** Bir işe, esere ýazuw üsti bilen berilýän ýazmaça baha. *Ýazan synyny okap berdi.* **3.** Özara baglanyşykly wakalar, hadysalar hakynda gysgaça habar. *Halkara ýagdaýyna syn.*

◊ **Synyň oturmak** göwnüň ýetmek, öz ýanyňdan oňat diýip baha bermek, halamak. *Dor atyň owadan syratyna syny oturdy.*

**SYN** [sy:n] **III: syn etmezlik** kemçilik hasap etmezlik, kemçilik saýmazlyk. *Yzzat, hormat syn etmegin Görüm görülmegen ýerde* (Magtymguly).

**SYNA** [sy:na], *at.* Beden, göwre, ten. *Ýar, synaňa synam degdi, Goýnuň jennetdir gümana* ("Görogly"). *Köňlümde ýanan otlar synamda sönmez gelin* (Kemine).

◊ **Syna sagat** beden agzalary sagat, sagdyn.

**SYNABERMEK** [sy:na:vermek], *işl.* Synap başlamak.

**SYNAG** [sy:nağ], *at.* **1**. Tejribe maksady bilen geçirilýän barlag, derňew. *Öz synagyny näme bilen başlajagyny oýlanyp-çenlenip başlady* (A. Gowşudow). **2**. Gözden geçiriş, barlag. *Gurluşyk ýaşlar üçin uly synag mekdebi boldy.***3**. Okuw dowamynda jemleýji barlag. *Soňky synpyň okuwçylary synaga taýýarlanýarlar.*

**SYNAHOR** [sy:naho:r], *at.* Düýäniň aýagyna çykýan çykuw.

**SYNALMAK** [sy:nalmak], *işl.* Synag edilmek, barlanyp görülmek. *Özüniň synalýandygyndan habarsyz Ylýas Töre elindäki dürre gamçyny tekepbirlik bilen öýlere baka uzatdy* (A. Gowşudow).

**SYNAMA** [sy:nama], *iş ady.* Synamak ýagdaýy.

**SYNAMAK** [sy:namak], *işl.* Synag etmek, barlap görmek. *Seni synamak üçin oýun edip aýtdym* (B. Kerbabaýew).

**SYNAMAKLYK** [sy:namaklyk], *iş ady.* Synamak ýagdaýy.

**SYNAMAZLYK** [sy:namazlyk], *iş ady.* Synag etmezlik, barlap görmezlik.

**SYNANMA** [sy:nanma], *iş ady.* Synanmak ýagdaýy.

**SYNANMAK** [sy:nanmak], *işl.* Bir işi ýerine ýetirjek bolup synanyşyk etmek, çemeleşmek. *Bu aralykda biri derwezäni açjak bolup synandy* (B. Seýtäkow).

**SYNANMAKLYK** [sy:nanmaklyk], *iş ady.* Synanmak ýagdaýy.

**SYNANMAZLYK** [sy:nanmazlyk], *iş ady.* Bir işi ýerine ýetirjek bolmaga çemeleşmezlik.

**SYNANYBERMEK** [sy:nanyvermek], *işl.* Synanyp başlamak.

**SYNANYLMAK** [sy:nanylmak], *işl.* Bir iş ýerine ýetiriljek bolnup synanyşyk edilmek.

**SYNANYŞMAK** [sy:nanyşmak], *işl.* Synanyp görmek. *Ol ýene-de işlemäge synanyşdy.*

**SYNANYŞYK** [sy:nanşyk], *at.* **1**. Bir zady amala aşyrmak maksady bilen edilýän hereket. *Haýsydyr bir sosial, syýasy ýa-da ykdysady meseläni bir gezekde we hemişelik çözmek synanyşyklary diňe bulam-bujarlyga hem-de durnuksyzlyga getirýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). **2**. Ýaryşlaryň käbir görnüşinde ýaryşa gatnaşýanyň birnäçe gezek synanyp gaýtalaýan çykyşy. *Ol üçünji synanyşykda iň ýokary netijäni gazandy.*

**SYNAŇKYRLAMAK** [sy:naňkyrlamak], *işl.* **1**. Synmaga ýakynlamak, ýykylaňkyrlamak. **2**. Gaýnap duran zadyň gaýnamasy kesilmäge, gaýnamasy galmaga golaýlamak.

**SYNAŞMAK** [sy:naşmak], *işl.* Birek-biregi synamak. *Adamzady tanap bolmaz syn bilen, Synaşmagan bilmez kişi kişini* (Magtymguly).

**SYNATMAK** [sy:natmak], *işl.* Synag etdirmek, barladyp gördürmek.

**SYNAÝYŞ** [sy:naýyş], *iş ady.* Synamak ýagdaýy.

**SYNÇGABERMEK** [synçğa:vermek], *işl.* Synçgap ugramak.

**SYNÇGALAMAK** [synçğalamak], *işl., ser.* **Synçgamak**. *Otluçöpden bir til ýolup Synçgylady dişlerini* (K. Gurbannepesow).

**SYNÇGALANMAK** [synçğalanmak], *işl.* **1**. Dikilen, oturdylan agajyň we ş.m. düýbi agaç ýa-da demir çiş sünjülip yzly-yzyna berkidilmek. **2**. Dişiň arasynda galan zatlar kiçijik çöp bilen arassalanmak.

**SYNÇGAMA** [synçğama], *iş ady.* Synçgamak ýagdaýy.

**SYNÇGAMAK** [synçğamak], *işl.* **1**. Dikilen, oturdylan agajyň we ş.m. düýbüni agaç ýa-da demir çiş bilen gaýta-gaýta sokup berkitmek. *Hiňňildik üçin dikilen agaçlaryň düýbüne daşdyr gum guýup, synçgap berkitdiler.* **2**. Esasan, dişiň arasynda galan zatlary inçejik çöp sokup aýyrmak, arassalamak.

**SYNÇGAMAKLYK** [synçğamaklyk], *iş ady.* Synçgamak ýagdaýy.

**SYNÇGAMAZLYK** [synçğamazlyk], *iş ady.* Synçgamak işi edilmezlik.

**SYNÇGAŞMAK** [synçğaşmak], *işl.* **1**. Synçgamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde synçgamak.

**SYNÇGATMAK** [synçğatmak], *işl.* **1**. Dikilen, oturdylan agajyň we ş.m. düýbüni agaç ýa-da demir çiş bilen gaýta-gaýta sokup berkitdirmek. **2.** Dişiň arasynda galan zatlary inçejik çöp sokup aýyrtmak, arassalatmak.

**SYNÇGAÝYŞ** [synçğaýyş], *iş ady.* Synçgamak ýagdaýy.

**SYNÇGYLAWUK** [synçğylowuk], *at, ser.* **Hynçgylawuk**.

**SYNÇGYRMA** [synçğyrma], *iş ady.* Synçgyrmak ýagdaýy.

**SYNÇGYRMAK** [synçğyrmak], *işl.* Synçgylawuk tutmak. *Synçgyryp oturyşyna, suw guýjak bolýardy.*

**SYNÇGYRTMAK** [synçğyrtmak], *işl.* Synçgyrmaga mejbur etmek. *Näme üçindigini bilemok, synçgyrdyp başlady.*

**SYNÇGYRYBERMEK** [synçğyryvermek], *işl.* Synçgyryp başlamak.

**SYNÇGYRYŞ** [synçğyryş], *iş ady.* Synçgyrmak ýagdaýy.

**SYNÇGYRYŞMAK** [synçğyryşmak], *işl.* Birnäçe bolup synçgyryp durmak.

**SYNÇY** [sy:nçy], *at.* **1**. Gelinlik gyza, öýlenjek ýigide syn etmäge gelýän adam. *Sen özüňi synlamaga synçy gelenini bilip dursuň, kelläňe telpegiňi geý* (A. Gowşudow). **2**. Syn edip bilýän, ýiti, görgür. *Ýazyjy synçy bolmalydyr.* **3**. Esasan, syýasy wakalara seslenip syn ýazýan ýa-da radio-telewideniýede çykyş edýän adam.

**SYNÇYLYK** [sy:nçylyk], *at.* Synlamaga ökdelik, syn edip, baha berip bilmek häsiýeti.

**SYNDY** [synny], *at.* Haly çitiminiň ösüntgi ýüpüni gyrkmak, halynyň ýüzüni tekizlemek üçin gaýça, gyrkylyga meňzeş uzyn demir gural. *Sen biziň syndylarymyzy çalyp ber* (A. Durdyýew).

**SYNDYRMAK** [sy:nnyrmak], *işl.* **1**. Bütinleý heläkçilige uçratmak, ýykmak. **2**. Ruhdan düşürmek.

**3**. Gaýnap duran zadyň gaýnamasyny kesdirmek, gaýnamasyny galdyrmak. **4**. *göç.m.* Biderek adam hasaplamak, gowularyň hataryna goşmazlyk. *Bir göreniňi öwme-de, syndyrma-da* (Atalar sözi).

**SYNJA** [synja:]**: synja gylmak** namaz okamak üçin iniňi arassalamak.

**SYNLABERMEK** [sy:nla:vermek], *işl.* Synlap ugramak.

**SYNLAMA** [sy:nlama], *iş ady.* Synlamak ýagdaýy.

**SYNLAMAK** [sy:nlamak], *işl.* Birine ýa-da bir zada içgin, her taraplaýyn syn etmek, gözden geçirmek. *Yzyna öwrüldi-de, Isgenderi siňe synlady* (B. Seýtäkow).

**SYNLAMAKLYK** [sy:nlamaklyk], *iş ady.* Synlamak ýagdaýy.

**SYNLAMAZLYK** [sy:nlamazlyk], *iş ady.* Birine ýa-da bir zada içgin, her taraplaýyn syn etmezlik, gözden geçirmezlik.

**SYNLANMAK** [sy:nlanmak], *işl.* Birine ýa-da bir zada içgin, her taraplaýyn syn edilmek.

**SYNLAŞMAK** [sy:nlaşmak], *işl.* **1**. Synlamaga kömek, ýardam etmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde synlamak. *Biri-biriniň bitiren işlerini synlaşdylar.*

**SYNLATMAK** [sy:nlatmak], *işl.* Syn etdirmek, gözden geçirtmek. *Men özümi synlatmaga gelemok* (B. Kerbabaýew).

**SYNLAÝYŞ** [sy:nlaýyş], *iş ady.* Synlamak ýagdaýy.

**SYNMA** [sy:nma], *iş ady.* Synmak ýagdaýy.

**SYNMAK** [sy:nmak], *işl.* **1**. *ser.* **Döwülmek**. *Suw küýzesi suwda synar* (Nakyl). *Aýagynyň synmagyna seniň ynsabyň nähili çydar* (B. Kerbabaýew). **2**. Bütinleý heläkçilige uçramak, ýykylmak. **3**. Gaýnamy kesilmek, gaýnandan soň ýene sowap ugramak. *Aýallarynyň goýýan tüňçesi birnäçe mertebe gaýnap syndy* (A.Gowşudow). *Gaýnamy synmak.*

**SYNMAKLYK** [sy:nmaklyk], *iş ady.* Synmak ýagdaýy.

**SYNP,***at.* Orta bilim berýän mekdebiň okuwçylar topary. *Bäşinji synpyň okuwçysy.*

**SYNTGY** [sy:ntgy], *at.* **1**. Täze işilen ýüpüň, ýüplügiň, kirşiň daşyndaky übtükleri syryp aýyrma, towuny ýylmama. *Onsoň ýene-de kirşe syntgy berjek boldy* (N. Saryhanow). **2**. *göç.m.* Ýalňyşlyklary, nädogry ýazylanlary düzetme, ýylmama, timarlama, taraşlama. *Emma onuň entek kämilleşmedik ylhamyndan döreýän setirler syntga mätäçdi* ("Edebiýat we sungat").

**SYNTGYLABERMEK** [sy:ntgyla:vermek], *işl.* Syntgylap başlamak.

**SYNTGYLAMA** [sy:ntgylama], *iş ady.* Syntgylamak ýagdaýy.

**SYNTGYLAMAK** [sy:ntgylamak], *işl.* **1**. Täze işilen ýüpüň, ýüplügiň, kirşiň daşyny öl zat bilen syhap towuny ýylmamak, düzlemek, üpür-çüpürini aýyrmak. *Ol sazyň kirşini ýaglygynyň ujuny ölläp, birnäçe gezek syntgylady.* **2.***göç.m.* Äheňini, ýalňyşlyklaryny düzedip ýylmamak, timarlamak, taraşlamak. *Käbir sözlemleri syntgylamaly.*

**SYNTGYLAMAKLYK** [sy:ntgylamaklyk], *iş ady.* Syntgylamak ýagdaýy.

**SYNTGYLAMAZLYK** [sy:ntgylamazlyk], *iş ady.* Syntgylamak işini ýerine ýetirmezlik.

**SYNTGYLANMAK** [sy:ntgylanmak], *işl.* **1**. Täze işilen ýüpüň, ýüplügiň, kirşiň daşynyň towy öl zat bilen ýylmalmak, düzlenmek, üpür-çüpüri aýrylmak. **2**. Ýetmezi düzedilip ýylmalmak, timarlanmak, taraşlanmak. *Syntgylanmadyk kiriş. Ýeterlik syntgylanmadyk jümleler.*

**SYNTGYLAŞMAK** [sy:ntgylaşmak], *işl.* **1**. Syntgylamaga kömek etmek (*syntgylamak* işliginiň **1**-nji, **2**-nji manylary boýunça). **2**. Bilelikde syntgylamak (*syntgylamak* işliginiň **1**-nji, **2**-nji manylary boýunça).

**SYNTGYLATMAK** [sy:ntgylatmak], *işl.* Syntgylamak işini başga birine etdirmek; syntgylamaga mümkinçilik döretmek(*syntgylamak* işliginiň **1**-nji, **2**-nji manylary boýunça). *Ädikçi sapagyny şägirdine mum bilen pugta syntgylatdy. Bu sözlemleri mazaly syntgylatmaly.*

**SYNTGYLAÝYŞ** [sy:ntgylaýyş], *iş ady.* Syntgylamak ýagdaýy.

**SYNYBERMEK** [sy:nyvermek], *işl.* Synyp ugramak.

**SYNYK** [sy:nyk], *syp.* **1**. Döwük, bölek-bölek bolan, döwlen. **2.** Hapa bolaýmasyn diýip, dandap, seljerip iýýän (adam, çaga).

◊ **Synyk göwün** bir zatdan ynjan, kemsidilen göwün. *Synyk göwne seýik tapylmady.*

**SYNYŞ** [sy:nyş], *iş ady.* Synmak ýagdaýy.

**SYNYŞMAK** [sy:nyşmak], *işl.* Dura-bara synmak.

**SYŇRAK,** *at.* **1**. Goýun, geçi, sygyr we ş.m. goşa toýnakly mallaryň toýnagynyň paşmakly ýeri. *Näzik syňraklary bilen gaty ýerden gum tozadýar* (B. Kerbabaýew). **2**. Adamyň iki barmagynyň arasy. *Syňragy bilen ýerde ýatan ýüňjagazy ýokary galdyryp, eli bilen aldy-da tüýdüşdirdi* (A. Durdyýew). *Syňragyň bilen çöregi tutmak erbet gylyk hasaplanýar*.

**SYŇSYRAKLAMA,** *iş ady.* Syňsyraklamak ýagdaýy.

**SYŇSYRAKLAMAK,** *işl.* Biwagt gezip ýörmek.

**SYŇSYRAKLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup syňsyraklap ýörmek.

**SYP: syp bermek** duýdurman gaçyp gitmek. *Bolandyr teniniň awunan ýeri, Taşlap ýoldaşyny syp berdi biri* (A. Kekilow).

**SYPA** [sypa:], *at.* Üstüne düşek düşäp oturmak, ýatmak üçin palçykdan, gumdan galdyrylan beýik ýer, seki. *Reýhan zaňňar bir beýik sypanyň üstünde harlap ýatyr* ("Görogly"). – *Şu ýere ýazaý – diýip, güjümiň aşagyndaky sypany görkezdi* (H. Garabaýew).

**SYPABERMEK** [sy:pa:vermek], *işl.* Sypap başlamak.

**SYPAHY** [sypa:hy], *at, k.d., ser.* **Sypaýy II**. *Ol, jemyg goşun sypahyny wezirler bilen şäherge gaýtardy* ("Asly – Kerem").

**SYPAHYLYK** [sypa:hylyk], *at.* Sypahynyň kesp-käri. *Bilmedim, sen kaýsy bolduň, belli bir iş tutmadyň, Ne sypahylyk bile bolduň, ne mollalyk bile* (Magtymguly).

**SYPAJAKLABERMEK** [sypajakla:vermek], *işl.* Sypajaklap ugramak.

**SYPAJAKLAMA**, *iş ady.* Sypajaklamak ýagdaýy.

**SYPAJAKLAMAK**, *işl.* Kelläňi, ýüzüňi bir sebäbe görä eýläk-beýläk sowmak; sypjyklyk etmek.

**SYPAJAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Sypajaklamak hereketini etmezlik, sypajaklap dumazlyk.

**SYPAJAKLATMAK**, *işl.* Sypajaklamak katdyna ýetirmek. *Kempir kellesini eýläk-beýläk sypajaklatdy* ("Görogly").

**SYPAJAKLAÝYŞ**,*iş ady.* Sypajaklamak ýagdaýy.

**SYPAL** [sypa:l], *at.* Bugdaý, arpa we ş.m. ekinleriň iri baldagy ýa-da orlup alnandan galan düýbi.

**SYPALABERMEK** [sy:pala:vermek], *işl.* Sypalap ugramak; sypalamagy dowam etdirmek.

**SYPALAMA** [sy:palama], *iş ady.* Sypalamak ýagdaýy.

**SYPALAMAK** [sy:palamak], *işl.* Sypamak hereketini birnäçe ýola gaýtalamak. *Ol saçlaryny sypalady.*

**SYPALAMAKLYK** [sy:palamaklyk], *iş ady.* Sypalamak ýagdaýy.

**SYPALAMAZLYK** [sy:palamazlyk], *iş ady.* Sypalap durmazlyk.

**SYPALANMAK** [sy:palanmak], *işl.* Gaýta-gaýta sypalmak.

**SYPALAŞDYRMAK** [sy:palaşdyrmak], *işl.* Yzly-yzyna sypalap çykmak. *Ol sakgalyny sypalaşdyrdy-da, ýüzüme seretdi* (N. Saryhanow).

**SYPALAŞMAK** [sy:palaşmak], *işl.* Bilelikde sypalamak. *Ýaglyk bilen ýüzlerini sypalaşyp otyrlar* ("Görogly").

**SYPALATMAK** [sy:palatmak], *işl.* Sypalamaga mümkinçilik döretmek, ýol bermek.

**SYPALAÝYŞ** [sy:palaýyş], *iş ady.* Sypalamak ýagdaýy.

**SYPALGA** [sypalğa], *at.* Sypmak, başyňy gutarmak üçin gaçalga, bahana, delil, sebäp. *Ejesiniň soragly gözüne garandan soň, ýene ýüzüni beýläk sowdy, sypalga agtardy* (B. Kerbabaýew).

**SYPALMAK** [sy:palmak], *işl.* Bir zadyň ýa-da bedeniň üstünden, ýüzünden eliňi ýeňillik, mylaýymlyk bilen geçirilmek, gezdirilmek.

**SYPAMA** [sy:pama], *iş ady.* Sypamak ýagdaýy.

**SYPAMAK** [sy:pamak], *işl.*, **1**. Bir zadyň ýa-da bedeniň üstünden, ýüzünden eliňi ýeňillik, mylaýymlyk bilen geçirmek, gezdirmek. *Şondan soň, Atahan oglunyň başyny sypady-da, nesihat berdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Mylaýymlyk, mährilik etmek, sypaýyçylyk etmek. *Sylamaga puluň bolmasa, sypamaga diliň bolsun* (Nakyl).

**SYPAMAKLYK** [sy:pamaklyk], *iş ady.* Sypamak ýagdaýy.

**SYPAMAZLYK** [sy:pamazlyk], *iş ady.* Sypamak hereketini etmezlik.

**SYPANDYRMAK** [sy:pannyrmak], *işl.* Sypanmagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**SYPANJAŇ** [sy:panjaň], *syp.* Sypanmagy, özüne timar bermegi gowy görýän, ýylmanagan.

**SYPANJAŇLYK** [sy:panjaňlyk], *at.* Sypanjan häsiýetlilik, ýylmanaganlyk.

**SYPANJYRABERMEK** [sy:panjyra:vermek], *işl.* Sypanjyrap başlamak.

**SYPANJYRAMA** [sy:panjyrama], *iş ady.* Sypanjyramak ýagdaýy.

**SYPANJYRAMAK** [sy:panjyramak], *işl.* Üst-başyňa, ýüz-gözüňe timar bermek, ýylmanmak. *Wüşi kel diwardan asylgy duran ullakan aýnaň öňüne bardy we öz ýüzüne seredip, sypanjyramaga durdy* (A. Gowşudow).

**SYPANJYRAMAKLYK** [sy:panjyramaklyk], *iş ady.* Sypanjyramak ýagdaýy.

**SYPANJYRAMAZLYK** [sy:panjyramazlyk], *iş ady.* Sypanjyrap durmazlyk.

**SYPANJYRAŞMAK** [sy:panjyraşmak], *işl.* Birnäçe bolup sypanjyramak.

**SYPANJYRAÝYŞ** [sy:panjyraýyş], *iş ady.*Sypanjyramak ýagdaýy.

**SYPANMA** [sy:panma], *iş ady.* Sypanmak ýagdaýy.

**SYPANMAK** [sy:panmak], *işl.* **1**. Üst-başyňa, ýüz-gözüňe timar bermek, timarlanmak, ýylmanmak. **2**. *göç.m.* Dolup akmak, püre-pür bolup akmak (ýap, derýa, jar hakda). *Ol jar owsunçly ýaly hemme suwy demine dartyp, püre-pür bolupdyr-da, daş-töweregi bilen sypanyp akýardy* (A. Gowşudow).

**SYPANMAKLYK** [sy:panmaklyk], *iş ady.* Sypanmak ýagdaýy.

**SYPANMAZLYK** [sy:panmazlyk], *işl.* Sypanyp durmazlyk.

**SYPANYBERMEK** [sy:panyvermek], *işl.* Sypanyp başlamak.

**SYPANYLMAK** [sy:panylmak], *işl.* Üst-başyňa, ýüz-gözüňe timar berilmek, timarlanmak, ýylmanmak.

**SYPANYŞ** [sy:panyş], *iş ady.* Sypanmak ýagdaýy.

**SYPANYŞMAK** [sy:panyşmak], *işl.* Köp bolup sypanmak.

**SYPAŇ-SERMEŇ** [sy:paň-sermeň]**:sypaň-sermeň etmek** sypamak, sypaşdyrmak, o ýerine, bu ýerine elini degirmek.

**SYPAŞDYRMAK** [sy:paşdyrmak], *işl.* Birnäçe gezek sypamak, yzly-yzyna sypap durmak. *Gaşlaryny sypaşdyryp, uçjagazy gözüne gaýdyp duran murtlaryny towlaşdyrdy* (A. Durdyýew). *Juda bolmasa, gozalary sypaşdyr* (B. Kerbabaýew).

**SYPAT,** *at.* **1**.Bir zadyň ýa-da biriniň daş görnüşi, keşp, ýasaw. *Onuň daş sypaty kime çalym edýär?* **2**.

*göç.m.* Gylyk-häsiýet, boluş, özüňi alyp-baryş. *Tutanýerlilik onuň aýratyn sypatydy.* **3**. *dil b. Nähili?, nätüýsli?, neneňsi?* diýen soraglara jogap bolup, bir zadyň hilini, häsiýetini we degişliligini aňladyp, sypatlandyryp gelýän söz topary.

**SYPATDAŞ,** *syp.* Daş görnüşi, bolşy, sypaty meňzeş. *Olar sypatdaş adamlar.*

**SYPATDAŞLYK,** *at.* Bir meňzeşlik, sypaty, görnüşi deňlik, birlik. *Birnäçelerinde meňzeşlik, sypatdaşlyk bar.*

**SYPATLANDYRMA** [sypatlannyrma], *iş ady.* Sypatlandyrmak ýagdaýy.

**SYPATLANDYRMAK** [sypatlannyrmak], *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň daş görnüşini, sypatyny kesgitlemek. *Jaýyň daş görnüşini sypatlandyrmak.* **2**. *göç.m.* Gylygyny-häsiýetini, bolşuny beýan etmek. *Eserin gahrymanyny sypatlandyrmak.*

**SYPATLANDYRMAKLYK** [sypatlannyrmaklyk], *iş ady.* Sypatlandyrmak ýagdaýy.

**SYPATLANDYRMAZLYK** [sypatlannyr-mazlyk], *iş ady.* Gylygyny-häsiýetini, bolşuny kesgitlemezlik, beýan etmezlik.

**SYPATLANDYRYBERMEK** [sypatlannyry-vermek], *işl.* Sypatlandyryp başlamak.

**SYPATLANDYRYLMAK** [sypatlannyrylmak], *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň daş keşbi kesgitlenmek. **2.** *göç.m.* Gylyk-häsiýeti beýan edilmek.

**SYPATLANDYRYŞ** [sypatlannyryş], *iş ady.* Sypatlandyrmak ýagdaýy.

**SYPATMAK** [sy:patmak], *işl.* Bir zadyň ýa-da bedeniň üstünden, ýüzünden eliňi ýeňillik, mylaýymlyk bilen geçirtmek, sypalatmak. *Arkaňy sypatmak.*

**SYPAÝY** [sypa:ýy] **I**, *syp.* **1**. Örän edepli, salyhatly, asylly. *Ol özüni sypaýy alyp barýar.* **2**. Göze gelüwli, gelşikli. *Onuň geýnişi sypaýydy – başyna gülli owadan ýaglyk atynypdyr* ("Mugallymlar gazeti").*Ussat senetçiler örän sypaýy nah matalary dokapdyrlar.*

**SYPAÝY** [sypa:ýy] **II**, *at, kön.s*. Esger, serbaz. *Ol hat şeýle başlanýardy: "Maglum bolsun kim, Gowşut hanyň dilinden: – Eý Hemze Mürze, eý Gara sertib, eý şazada hem sypaýylar! "*(B. Kerbabaýew).

**SYPAÝYÇYLYK** [sypa:ýçylyk], *at, ser.* **Sypaýylyk**. *Nurjahan sypaýyçylyk bilen sorady* (B. Pürliýew).

**SYPAÝYÇYLYKLY** [sypa:ýçylykly], *syp.* Diýjek sözüni edep bilen aýdýan. *Ol sypaýyçylykly adamdyr.*

**SYPAÝYÇYLYKLYRAK** [sypa:ýçylyklyra:k], *syp.* Azda-kände sypaýyçylykly. *Adam diýeniň sypaýyçylyklyrak bolsady.*

**SYPAÝYÇYLYKSYZ** [sypa:ýçylyksyz], *syp.* Sypaýyçylygy ýok, sypaýyçylygy bolmadyk. *Sypaýyçylyksyz adam.*

**SYPAÝYÇYLYKSYZRAK** [sypa:ýçylyksyzyra:k], *syp.* Sypaýyçylygy ýograk.

**SYPAÝYLYK** [sypa:ýylyk], *at.* Örän edeplilik, salyhatlylyk, asyllylyk, sypaýyçylyk. *Sypaýylyk bilen gol gowşuryp bile barýardylar.*

**SYPAÝYRAK** [sypa:ýyra:k], *syp.* **1**. Azda-kände sypaýy. **2**. Ýönekeýden gelşikli (eşik hakynda). *Ol gelin sypaýyrak geýinmegi halaýardy.*

**SYPAÝYŞ** [sy:paýyş], *iş ady.* Sypamak ýagdaýy.

**SYPDYRMA,** *iş ady.* Sypdyrmak ýagdaýy.

**SYPDYRMAK,** *işl.* **1**. Tutup duran zadyňy eliňden gidermek, goýbermek. *Sygryň tanapyny elimden sypdyrdym.* **2**. *göç.m.* Birini kynçylykly ýagdaýdan halas etmek. **3**. Bir zady görmezlikden, bilmezlikden aýyrmazlyk. *Bir-iki ýerde otur alamatyny hem sypdyrypdyryn* (J. Akyýew). **4**. Bir gizlin syry aýtmasyz ýerde aýtmak, ile äşgär etmek. *Artykmaç sözi agzyndan sypdyrany üçin gorkdy.* **5**. *gepl.d.* Birden artbujakdan ýel goýbermek.

**SYPDYRYBERMEK** [sypdyryvermek], *işl.* Sypdyryp goýbermek.

**SYPDYRYLMAK,** *işl.* **1**. Tutup duran zadyň eliňden goýberilmek. **2**. *göç.m.* Halas edilmek, boşadylmak. *Sypdyrylmadyk bolsa, ele düşjekdi.* **3**. Bir zat görmezlikden, bilmezlikden aýrylmazlyk. **4**. Bir söz aýtmasyz ýerde aýdylmak, diliňden gaçyrylmak.

**SYPJYGRAK** [sypjyğyra:k], *syp.* Birneme sypjyk.

**SYPJYK,** *syp.* Bir zady ýerine ýetirmekden boýun towlaýan, aňsat el bermeýän, sapalakçy. *Öz-ä suwgysymlan ýaly sypjyg-ow!* **2**. Elde-aýakda durman, sypyp barýan, geçip barýan. *Bagt diýlen zat, gör, nähili sypjyk zat, ony tutdummykam diýseňem sypjap dur* (B. Kerbabaýew).

**SYPJYKLABERMEK** [sypjykla:vermek], *işl.* Sypjyklap başlamak.

**SYPJYKLAMA,** *iş ady.* Sypjyklamak ýagdaýy.

**SYPJYKLAMAK**, *işl.* Bir zatdan boýun gaçyrmak üçin bahana gözlemek, sapalak atmak.

**SYPJYKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup sypjyklamak.

**SYPJYKLAÝYŞ,** *iş ady.* Sypjyklamak ýagdaýy.

**SYPJYKLYK**, *at.* Sypjygyň gylyk-häsiýeti. *–Tarhan batyryň ýeke özi hem bir zat eder-le – diýip, sypjyklyk etdi* (G. Kulyýew).

**SYPJYRDYLMAK**, *işl.* Teniň bir ýeriniň hamynyň ýüzi soýulmak, sypyrylmak.

**SYPJYRMA**, *iş ady.* Sypjyrmak ýagdaýy.

**SYPJYRMAK**, *işl.* Teniň bir ýeriniň hamynyň ýüzüni soýmak, sypyrmak. *Agaçlaryň şahalary, çöp-çalamlar onuň el-ýüzüni sypjyrypdyr* (B. Pürliýew).

**SYPJYRMAZLYK,** *iş ady.* Bir zadyň ýüzüni sypjyryk etmezlik.

**SYPJYRTMAK,** *işl.* Bir zada degrip, teniň bir ýeriniň hamynyň ýüzüni soýdurmak, sypyrtmak. *Eliňi agaja sypjyrtmak.*

**SYPJYRYBERMEK** [sypjyryvermek], *işl.* Sypjyryp başlamak.

**SYPJYRYK,** *at.* Teniň hamynyň sypjyrylan ýeri, soýuk. *Ýüzüniň sypjyrygy bildirip durmak.*

**SYPJYRYK-SYPJYRYK**, *at.* Köp sanly sypjyryk. *Endam-jany sypjyryk-sypjyryk bolan eken.*

**SYPJYRYLMAK,** *işl.* Teniň bir ýeriniň hamynyň ýüzi soýulmak, sypyrylmak. *Ol ýere ýykylsa-da, süňňüne zat bolman, diňe tirsegi sypjyrylypdyr* (B. Kerbabaýew).

**SYPJYRYŞ,** *iş ady.* Sypjyrmak ýagdaýy.

**SYPMA**, *iş ady.* Sypmak ýagdaýy.

**SYPMAK,** *işl.* **1.** Elden ýa-da bir zatdan belli bir sebäbe görä gaçmak, düşmek. *Küýze elimden sypdy.* **2.**Birinden ýa-da bir zatdan bir tär, ýol bilen gutulmak, dynmak, boşamak.

**SYPMAZLYK,** *iş ady..* Sypmak hereketi amala aşmazlyk.

**SYPYBERMEK** [sypyvermek], *işl.* Sypyp başlamak.

**SYPYNÇ**: **sypynç bermezlik** ýol bermezlik, ganalga bermezlik, sypdyrmazlyk, goýbermezlik. *Nätjek, enemiň höçjetligi, bir diýen ýerini depip durmagy maňa sypynç bermedi (R. Gelenow).*

**SYPYNDYRMAK**, *işl.* Iş-güýç arasynda ýa-da bir zatdan birneme boşatmak, maý tapdyrmak, eliňi boşatmak. *Sypyndyrman gaýgy-gam, Girdabyna salypdyr* (A. Kekilow).

**SYPYNMA**, *iş ady.* Sypynmak ýagdaýy.

**SYPYNMAK**, *işl.* Işden birneme boşaşmak, iş arasynda maý tapmak, eliň boşamak.

**SYPYNMAKLYK**, *iş ady.* Sypynmak ýagdaýy.

**SYPYNMAZLYK**, *iş ady..* Maý tapmazlyk, eliň boşamazlyk.

**SYPYNYLMAK**, *işl.* Bir zatdan birneme boşaşylmak, maý tapylmak, eliň boşamak.

**SYPYNYŞ**, *iş ady.* Sypynmak ýagdaýy.

**SYPYNYŞMAK,** *işl.* Birneme boşaşmak, maý tapmak. *Iş-aladalardan sypynyşdyk.*

**SYPYRMA,** *iş ady.* Sypyrmak ýagdaýy.

**SYPYRMAK,** *işl.* **1.** Bir zadyň daş örtügini, gabygyny we ş.m. soýup aýyrmak, soýmak. **2.** *gepl.d.* Biriniň üstündäki, egnindäki zady zor bilen çykarmak. *Tarhan onuň egnindäki mele çäkmeni sypyryp aldy* (G. Kulyýew).

**SYPYRMAKLYK,** *iş ady.* Sypyrmak ýagdaýy.

**SYPYRMAZLYK,** *iş ady.* Sypyryp durmazlyk, sypyrmak hereketini etmezlik.

**SYPYRTMAK,** *işl.* Sypyrmak işini başga birine etdirmek, sypyrmaga ýol bermek.

**SYPYRYBERMEK** [sypyryvermek], *işl.* Sypyryp başlamak.

**SYPYRYLMAK,** *işl.* **1**. Bir zadyň daş örtügi, gabygy we ş.m. soýlup aýrylmak, soýulmak. *Ol uzyndan ýogyn, gabygy sypyrylmadyk pürsdi* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Biriniň üstündäki, egnindäki eşigi zor bilen çykarylyp alynmak.

**SYPYRYNMAK,** *işl.* Öz eşikleriňi sypyrmak, çykarynmak. *Ol sypyryndy-da, içki balagyndan başga baryny orta atdy* (N. Saryhanow).

**SYPYRYŞDYRMAK,** *işl.* Bir ýan ujundan sypyryp çykmak.

**SYPYRYŞMAK,** *işl.* **1**. Sypyrmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde sypyrmak.

**SYR I**, *at.* Başgalardan gizlin saklanýan pikir, ýaşyryn zat. *Oglum, sen patyşanyň syryna ýetik däl ekeniň* ("Görogly").

◊ **Syr saklamazlyk** bir zady aýtman, içiňde gizlin saklamazlyk, ýaşyrmazlyk. *Ine, syryp ýörüs köçeleň boýun, Bir-birmiz tanaman, nobata durus, Geliň, syr saklaman, alalyň boýun, Sol daşy näçämiz göterip ýörüs* (G. Ezizow).

**SYR II**, *at.* Hor malyň gapyrgasynyň daş-töweregindäki ýelmeşip duran ýargak.

**SYRAMA I**, **II**, *iş ady.* Syramak ýagdaýy.

**SYRAMAK I**, *işl.* Güýçli ýel sebäpli sowrulyp ýagmak, sowrulyp bir ýere üýşmek (gar, çäge we ş.m. hakynda). *Gar syraýardy, sowuk şemal degen ýerini kesip gelýärdi* (B. Seýtäkow).

**SYRAMAK II**,*işl.* Arasyna pagtadyr ýüň salnan zadyň ýüzüni ýygy edip tikmek, çekmek. *Ýorgany syramak. Don syramak.*

**SYRAT** [sy:rat], *at.* Adamyň gelşikli, görmegeý daş keşbi, görki. *Onuň syratyny bir gezek görseň, ol saňa gündiz dynç, gije uky bermeýär* (B. Seýtäkow).

**SYRAT** [syra:t], *at.* Dini düşünjä görä, jähennemiň üstündäki gyldan inçe, gylyçdan ýiti köpri. – *Syrat köprüsi gyldan inçe, gylyçdan hem ýitiräk – diýýär* (Kemine).

**SYRATLY** [sy:ratly], *syp.* Daş görnüşi görmegeý, owadan, peşeneli, gelşikli. *Aýnanyň syratly göwresi nepis çekilen surata çalym edýär* (B. Kerbabaýew).

**SYRATLYLYK** [sy:ratlylyk], *at.* Syratly bolmaklyk, syraty barlyk.

**SYRATLYRAK** [sy:ratlyra:k], *syp.* Azda-kände syratly. *Ýigitleriň has syratlyragy.*

**SYRATMAK**, *işl.* Syramak işini birine etdirmek.

**SYRATSYZ** [sy:rassyz], *syp.* Syraty ýok, syratly däl.

**SYRATSYZLYK** [sy:rassyzlyk], *at.* Syraty ýokluk, syratly dällik, syratsyz bolmaklyk.

**SYRAÝYŞ**, *iş ady.* Syramak ýagdaýy.

**SYRÇA**, *at.* **1**.Daşdan, demirden ýasalan gaplaryň we ş.m. içine, ýa bolmasa, daşyna çalynýan ýalpyldawuk reňk. *Içi ak syrça çalnan ýaşyl jamy nahardan dolduryp getirdi* (N. Pomma). **2**.Dişiň daşynyň ýylpyldawuk örtügi. *Düýe çaly dişiň syrçasyna oňat täsir edýär.*

◊ **Syrçasy suw götermez** girrik.

**SYRÇALABERMEK** [syrçala:vermek], *işl.* Bir zada syrça çalybermek.

**SYRÇALAMA,** *iş,ady.* Syrçalamak ýagdaýy.

**SYRÇALAMAK,** *işl.* Syrça çalmak, syrça bilen örtmek. *Küýzäni suw syzmazlygy üçin syrçalaýarlar.*

**SYRÇALAMAKLYK,** *iş ady.* Syrçalamak ýagdaýy.

**SYRÇALAMAZLYK,** *iş ady.* Syrça çalmazlyk, syrça bilen örtmezlik.

**SYRÇALANMAK,** *işl.* Syrça çalynmak, syrça bilen örtülmek.

**SYRÇALAŞMAK,** *işl.* **1**. Syrçalamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde syrçalamak. *Ussalar küýzeleri syrçalaşyp otyrdy.*

**SYRÇALATMAK,** *işl.* Syrçalanmak işini başga birine etdirmek; syrçalamaga mümkinçilik bermek.

**SYRÇALAÝYŞ,** *iş ady.* Syrçalamak ýagdaýy.

**SYRÇALY,** *syp.* Syrça çalnan, syrça bilen örtülen.

**SYRDALMAK,** *işl.* Syrdalyp goýulmak. *Ýorgan syrdaldy.*

**SYRDAM** [sy:rdam], *syp.* Uzyndan inçe, göni ösen, dik.

**SYRDAMBITIN**[syrdammiti:n], *syp.* Ýyrtyk-ýirik ýeri bolmadyk, bitin (geýim-gejim hakynda). *Biriniň jalbary elhal syrdambitin bolsa, köýnegi omurdanyndan düşüp, çigni gyzaryp durdy* (H. Derýaýew). *Ol syrdam- bitin hem bolsa, mazaly geýlip, ozal suwy alnandy* (Ý. Mämmediýew).

**SYRDAMAK,** *işl., ser.* **Syramak II**. *Ýorgan syrdamak. Don syrdamak.*

**SYRDAMLANMAK** [sy:rdamlanmak], *işl.* Uzyn we göni boýly bolan ýaly bolmak, syratly bolmak. *Jemal öňküsinden syrdamlanypdy* (N. Saryhanow).

**SYRDAMRAK** [sy:rdamra:k], *syp.* Boýy uzynrak, dikräk.

**SYRDANMAK**, *işl.* Özüň üçin syrdamak.

**SYRDAŞ,** *at.* Biri beýlekisine syryny aýdýan, syr alyp, syr berişýän, ýürekdeş. *Syrdaşym, başdaşym, ýaman günde ýoldaşym* ("Görogly"). *Magtymguly, aýdar, ýigitler başy, mejlisde köp bolar onuň syrdaşy* (Magtymguly).

**SYRDAŞLYK,** *at.* Syrdaş bolmaklyk, ýürekdeşlik.

**SYRDAŞMAK,** *işl.* Syrdamaga kömekleşmek.

**SYRDATMAK,** *işl.* Syrdamak işini başga birine etdirmek. *Don syrdatmak.*

**SYRDYRMAK** [sy:rdyrmak], *işl.* **1.** Päki bilen düýbünden aýyrtmak (saç, sakgal hakynda). *Başyňy syrdyrmak.* **2.** Öýüň içini, daşyny we beýleki ýerleri süpürdip arassalatmak. *Içerini syrmak.* **3**. Açmak üçin aýyrtmak (tuty, perde hakda). *Perdäni syrdyrmak.***4.** Gynyndan, gabyndan sogurdyp çykartmak (pyçak, gylyç hakynda). **5.** Ýoluň, ýabyňwe ş.m. ugry bilen ýöretmek. *Ýabyň boýuny syryp gitmek.* **6.** Iş etmän, boş aýlanyp, gezip ýörmek. *Näme beýdip köçe-köçe syryp ýörsüň?*

**SYRGYN** [syrğyn], *at.* Güýçli ýel bilen sowrulyp, syrap ýagýan gar.

**SYRGYN** [sy:rğyn], *at.* Hatar bolup oturan (öý, jaý). *Uzyn syrgyn bolup oturan oba.*

**SYRGYNLY** [syrğynly], *syp.* Gar sowrulyp ýagýan,

**SYRKAW** [syrkow], *at.* Keselläp ýaraman ýatan adam, hassa.

**SYRKAWÇYLYK** [syrkowçuluk], *at, ser.* **Syrkawlyk**

**SYRKAWLAMA** [syrkowlomo], *iş ady.* Syrkawlamak ýagdaýy.

**SYRKAWLAMAK** [syrkowlomok], *işl.* Keselläp ýaraman ýatmak, hassalamak. *Syrkawlap kän ýatdym ýoldaş mugallym, Okuwa yhlasym özüňe mälim* (A. Kekilow).

**SYRKAWLAMAKLYK** [syrkowlomokluk], *iş ady.* Syrkawlamak ýagdaýy.

**SYRKAWLAMAZLYK** [syrkowlomozluk], *iş ady.* Keselläp ýatmazlyk, ýaraman ýatmazlyk.

**SYRKAWLATMAK** [syrkowlotmok], *işl.* Birini syrkawlyk ýagdaýyna uçratmak, syrkawlamak katdyna ýetirmek. *Çagaňy berk dola, daşary sowuk, syrkawladarsyň.*

**SYRKAWLAÝYŞ** [syrkowloýuş], *iş ady.* Syrkawlamak ýagdaýy.

**SYRKAWLYK** [syrkowluk], *at.* Syrkaw bolmaklyk, hassalyk.

**SYRKYN,** *at.* Şor ýerde topbak ösýän, gür baldaklary suwluja bir ýyllyk ösümlik.

**SYRKYNLYK**,*at.* Syrkynyň köp gögerip oturan ýeri.

**SYRKYRABERMEK** [syrkyra:vermek], *işl.* Syrkyrap agyryp başlamak.

**SYRKYRAMA,** *iş ady.* Syrkyramak ýagdaýy.

**SYRKYRAMAK,** *işl.* Syzlap agyrmak agyrmak. *Agyr ýoldanmy nämemi, endam-janym syrgyrap durdy* (T. Gurbanow).

**SYRKYRAMAZLYK,** *iş ady.* Syzlap agyrmazlyk.

**SYRKYRAŞMAK,** *işl.* Endam-janyň syzlaşyp agyryp durmak.

**SYRKYRAÝYŞ,** *iş ady.* Syrkyramak ýagdaýy.

**SYRLAŞDYRMAK,** *işl.* Syrlaşyp durar ýaly etmek.

**SYRLAŞMA,** *iş ady.* Syrlaşmak ýagdaýy.

**SYRLAŞMAK I,** *işl.* Geýilýän geýim darlyk edip, endamyňy gysyp, ýapyşyp durmak. *Onuň köýnegi endamyna syrlaşyp durdy.*

**SYRLAŞMAK II,** *işl.* Syr alyp, syr berişmek. *Sözleşerdim, syrlaşardym ýar bile, Ýüregimde ýar hyýaly bar bile* (Magtymguly).

**SYRLAŞMAKLYK,** *iş ady.* Syrlaşmak ýagdaýy.

**SYRLAŞMAZLYK,** *iş ady.* Syrlaşyp durmazlyk.

**SYRLY,** *syp.* Gizlin pikiri ýa-da bir üsti açylmadyk syry bar bolan. *Ol syrly soraga sada jogap berdi.*

**SYRLYLYK,** *at.* Syrly bolmaklyk, syry barlyk.

**SYRLYRAK** [syrlyra:k], *syp.* Az-kem syrly.

**SYRMA** [sy:rma] **I**, *iş ady.* Syrmak ýagdaýy.

**SYRMA** [sy:rma] **II**, *at.* Jübiniň, ýakanyň, gapjygyň we ş.m. agzyny ýapmak üçin syrylyp açylýan hem ýapylýan iltegli sürme enjam.

◊ **Syrma gylyç** ýalaňaç gylyç. **Syrma sallah** hakyky sallah, tüýs sallah.

**SYRMAK** [sy:rmak], *işl.* **1.** Päki bilen düýbünden aýyrmak (saç, sakgal hakynda). *Ol oglunyn başyny syrdy.* **2.** Bir zadyň üstüni, ýüzüni we beýleki ýerleri süpürmek, arassalamak, süpürip aýyrmak. *Içerini syrmak.* **3**. Süpürip almak. *Saman syrmak.* **4**. Ýazylgy düşekleri duran ýerinden alyp gitmek. *Galtamanlar içerdäki düşekleriň derde ýararyny syryp gidipdir.* **5**. Açmak üçin aýyrmak (tuty, perde hakda). *Bir zaman perdäni syrsaň ýüzüňden, Ak ýüzleri hally juwan islärin* ("Görogly"). **6**. Gynyndan, gabyndan sogrup çykarmak (pyçak, gylyç hakynda). *Gylyjyny syrmak.* **7**.Ýoluň, ýabyňwe ş.m. ugry bilen gitmek. *Olar kenar ýakasyny syryp gitdiler* ("Edebiýat we sungat"). *Ine, syryp ýörüs köçeleň boýun, Bir-birmiz tanaman, nobata durus, Geliň, syr saklaman, alalyň boýun, Sol daşy näçämiz göterip*

*ýörüs* (G. Ezizow). **8**. Iş etmän, boş aýlanyp, gezip ýörmek. *Näme beýdip köçe-köçe syryp ýörsüň?*

◊ **Çelpek syrmak**çelpek ýapylýarka gazandaky bişen çelpekleriň ep-esli bölegini syryp alyp gaçmak (däp).

**SYRMAKLYK** [sy:rmaklyk], *iş ady.* Syrmak ýagdaýy.

**SYRMAZLYK** [sy:rmazlyk], *işl.* Syrmak işini amal etmezlik.

**SYRNYH** [syrny:h], *at.* Gysganç, husyt, gysyk.

**SYR-SÜPLÜK** [sy:r-süplük], *at.* Syrylyp, süpürilip toplanan hapa, her hili galyndy.

◊ **Syr-süplük bolmak** hor güne düşmek, hor-homsy ýaşamak, gaty horukmak. *Kakalary uruşda galan çagalar syr-süplük boldular.*

**SYRT,** *at.* **1.** Bir zadyň ýa-da biriniň arka tarapy, arka ýüzi, arka. *Emma onuň syrtynda oturan oglanlardan birine yşarat edip, gözüne ümledi* (B. Kerbabaýew). **2.** Beýik ýer, depe, alaň. *Gök ölеňli beýik syrtlar, Salgym atyp, çöl iňňildär* (Şeýdaýy).

◊ **Syrty bilen gürleşmek** biri bilen tersleşip, gürleşmegini kesmek. **Syrty bilen tiken alybermeli** horlanyp, gaty iglän çaga. **Syrty bogy tutmaz** gorkusyna bir zada ýapyşyp bilmedik, gorkak. **Syrtyna sapan degen ýaly bolmak** bir ýerden örän çalt gitmek. *Şeýle diýmek bilen ýigit, syrtyna sapan degen ýaly bolup, ylgap gitdi* (B. Seýtäkow). **Syrtyndan daş asylan ýaly** haýal gymyldaýan, ýalta, işýakmaz. **Syrty ýer ysgamazlyk** oturmazlyk,işiň köp bolup gara başyňa gaý bolup ýörmek. **Syrty ýumakly ýaly** bir ýerde geregiçe ýer tutup oturyp bilmezlik.

**SYRTARMA,** *iş ady.* Syrtarmak ýagdaýy.

**SYRTARMAK,** *işl.* Gelşiksiz bolup durmak (diş hakynda); dişiňi görkezip ýylgyryp durmak. *Öý eýesi ýylgyranda onuň dişleri syrtaryp göründi* (A. Gowşudow).

**SYRTARMAKLYK,** *iş ady.* Syrtarmak ýagdaýy.

**SYRTARMAZLYK,** *iş ady.* Agzyňy, dişiňi gelşiksiz açyp, ýerliksiz ýyrşaryp durmazlyk.

**SYRTARTMAK,** *işl.* **1**. Birini syrtarmaga mejbur etmek. **2**. Dişini syrtaryp duran görnüşe getirmek. *Ala gaplaň gaharly Syrtardýar ak dişini* (A. Kowusow).

**SYRTARYBERMEK** [syrtaryvermek], *işl.* Syrtaryp başlamak.

**SYRTARYLMAK,** *işl.* Agzyň, dişiň gelşiksiz açylmak, ýerliksiz ýyrşarylmak.

**SYRTARYŞ,** *iş ady.* Syrtarmak ýagdaýy.

**SYRTARYŞMAK,** *işl.* Agzyň gelşiksiz açylyp, dişleriň somalyşyp durmak; gelşiksiz ýylgyryş bilen seredişmek.

**SYRTLAN,** *at.* Maslyk iýip oňňut edýän gerşi ýasy, möjek pisint ýyrtyjy haýwan. *Şagal-a kän welin, şu ýerlerde iki sany syrtlan hem görünýär* (A. Gowşudow).

**SYRTLAŞMAK,** *işl., ser.* **Artlaşmak**. *Ata syrtlaşyp münmek.*

**SYRTMAK** [sy:rtmak], *at.* Ýüpüň bir ujuny halka edip, ikinjiujuny onuň içinden geçirip, syrylar ýaly edip daňylýan daňynyň bir görnüşi.

**SYRTMAKLABERMEK** [sy:rtmakla:vermek], *işl.* Syrtmak salyp daňybermek, baglabermek.

**SYRTMAKLADYLMAK** [sy:rtmakladylmak], *işl.* Syrtmak salyp daňylmak.

**SYRTMAKLAMA** [sy:rtmaklama], *iş ady.* Syrtmaklamak ýagdaýy.

**SYRTMAKLAMAK** [sy:rtmaklamak], *işl.* Syrtmak salyp daňmak. *O pille Ahmetjanow beýlekini syrtmaklap durdy* (A. Nazarow).

**SYRTMAKLAMAKLYK** [sy:rtmaklamaklyk], *iş ady.* Syrtmaklamak ýagdaýy.

**SYRTMAKLAMAZLYK** [sy:rtmaklamazlyk], *iş ady.* Syrtmak salyp daňmazlyk, baglamazlyk.

**SYRTMAKLANMAK** [sy:rtmaklanmak], *işl.* Syrtmak salnyp daňylmak, baglanmak.

**SYRTMAKLAŞMAK** [sy:rtmaklaşmak], *işl.* **1**. Syrtmaklamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde syrtmaklamak.

**SYRTMAKLATMAK** [sy:rtmaklatmak], *işl.* Syrtmaklamak işini başga birine etdirmek, syrtmaklamaga mümkinçilik bermek.

**SYRTMAKLAÝYŞ** [sy:rtmaklaýyş], *iş ady.* Syrtmaklamak ýagdaýy.

**SYRY** [sy:ry] *at.* 16,2 gramdan bir gadaga çenli we ondan ýokary bolan agyrlyk ölçegi.

**SYRYBERMEK** [sy:ryvermek] *işl.* Syryp başlamak.

**SYRYGAŇKYRLAMAK** [sy:ryğaňkyrlamak], *işl.* Syrygyp gutaraňkyrlamak.

**SYRYGYŞ** [sy:ryğyş], *iş ady.* Syrmak ýagdaýy.

**SYRYGYŞMAK** [sy:ryğyşmak] *işl.* **1**. Aşaklygyna ýuwaşlyk bilen akyp durmak (ýagyş, gözýaş we ş.m. hakynda). **2.** Bir mesele, pikir kem-kemden bir ugra gönükmek.

**SYRYK** [sy:ryk], *at.* Öýüň serpigini açyp ýapmak we ş. m üçin ulanylýan uzyn göni agaç. *Tärimiň başyndan syrygy alagada, serpigiň suw ýygnanyşan ýerlerini ýokary galdyryşdyrdy* (N. Saryhanow).

**SYRYKDYRMAK** [sy:rykdyrmak], *işl.* **1**. Aşaklygyna ýuwaşlyk bilen akdyrmak, indirmek. *Ol gözünden boýur-boýur ýaşyny göýberip, sakgalyndan syrykdyrdy* (A. Durdyýew). **2**. *göç.m.* Meseläni, pikiri bir zadyň üstüne atmak, bir zatdan görmek. *Esasy günäni ýerleriň ýaramazlygyna syrykdyrypdy.*

**SYRYKMA** [sy:rykma], *iş ady.* Syrykmak ýagdaýy.

**SYRYKMAK** [sy:rykmak], *işl.* **1**. Bir zadyň ýüzünden damja ýa-da yzly-yzyna düzülen damjalar görnüşinde aşaklygyna ýuwaşlyk bilen inmek (suwuklyk hakynda). *Şaglap gelen der maňlaýyndan syrygyp gitdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Öňi baglanyp, akmasy kesilen suwuň soňy, galak-gaçagy akyp gelmek. *Ýapdan syrygyp gelen suw hem şujagaz kölçäňe ýetse gerek.* **3**. Edilýän gürrüň haýsydyr bir ugra gönükmek. *Iň soňunda gürrüň edebiýata syrykdy* ("Edebiýat we sungat").

**SYRYKMAKLYK** [sy:rykmaklyk] *iş ady.* Syrykmak ýagdaýy.

**SYRYLJAMAK,** *işl.* Açlykdan kösenmek, halys bolmak, ugruň gaçmak, surnukmak. *Men ajymdan*

*syryljasam-da, kişi zadyna barmagymy uzadýan däldirin* (B. Kerbabaýew).

**SYRYLJAŞMAK**, *işl.* Birden köp bolup syryljap oturmak.

**SYRYLJATMAK**, *işl.* Nahary iýmän, sowadyp goýmak. *Naharyň birçak tabaga guýlup goýuldy, näme ony syryljadyp goýduň?*

**SYRYLJYRABERMEK** [syryljyra:vermek], *işl.* Açlykdan, iýmit ýetmezçiliginden kösenibermek.

**SYRYLJYRAMA**, *iş ady.* Syryljyramak ýagdaýy.

**SYRYLJYRAMAK,** *işl., ser.* **Syryljamak**.

**SYRYLJYRAMAKLYK**, *iş ady.* Syryljyramak ýagdaýy.

**SYRYLJYRAMAZLYK**, *iş ady.* Syryljyrap oturmazlyk.

**SYRYLJYRAŞMAK**,*işl.* Birnäçe bolup syryljyramak.

**SYRYLJYRATMAK**,*işl.* Syryljyramak derejesine ýetirmek.

**SYRYLJYRAÝYŞ**,*iş ady.* Syryljyramak ýagdaýy.

**SYRYLMAK** [sy:rylmak], *işl.* **1**. Päki bilen saç sakgal we ş.m. zatlar arassalanmak. *Çygjaran maňlaýyny, ýaňy syrylan kellesini rahatlanmak bilen sypalap çykdy* (B. Seýtäkow). **2**.Bir zadyň ýüzi esgi, sübse we ş.m. bilen süpürilmek. *Stoluň üsti esgi bilen syryldy.* **3**. Bir zadyň üstüniň örtügi aýrylmak. *Birdenkä-de, şemal ýatyp, ýagyş diňip, bulut syrylyp, alabaharyň görnükli güni gülüp bakardy* (B. Kerbabaýew). **4**. Pyçak, gylyç we ş.m. zatlar sogrulyp, gynyndan çykarylmak. **5.** Ýuwaşlyk bilen aşaklygyna inilmek, düşülmek. *Ol atdan syrylyp düşdi. Ýüpden syrylmak. Agaçdan syrylyp düşmek.*

◊ **Öý syrylmak** *gepl.d.* eýeçiligindäki zatlar elinden alynmak.

**SYRYNMAK** [sy:rynmak], *işl.* Päki bilen öz sakgalyny syrmak.

**SYRYNTGY** [sy:ryntgy], *at.* **1**. Syrygyp toplanan, üýşen suwuklyk. *Elindäki badadan şerap syryntgysy şatlykly göz ýaş ýaly damýardy* (B. Kerbabaýew). **2**.Iýilmän galan nahar.

**SYRYP-SÜPÜRMEK** [sy:ryp-süpürmek], *işl.* **1**. Syryp, süpürip arassalamak, tämizlemek. *Ol çynaryň aşagyny syryp-süpüripdi.* **2**. *göç.m.* Hemmesini, baryny ýygnap almak, zat goýman toplamak.

**SYRYP-SÜPÜRTMEK** [sy:ryp-süpürtmek], *işl.* **1**. Syryp-süpürip arassalatmak, tämizletmek. *Myhman geljek diýip, howlyny syryp-süpürtdiler.* **2**. *göç.m.* Hemmesini, baryny ýygnap aldyrmak, zat goýman toplatmak.

**SYRYŞ** [sy:ryş], *iş ady.* Syrmak ýagdaýy.

**SYRYŞDYRMAK** [sy:ryşdyrmak], *işl.* **1**. Päki bilen syryp çykmak, syryp gutarmak. *Saç-sakgalyny syryşdyrdy.* **2**.Birnäçe ýeri syryp-süpürip çykmak. *Kakaňa-da özüň belet diýip, ejesi sübse alyp, ojagyň başyny syryşdyrdy* (A. Durdyýew). **3**. *göç.m.* Zat goýman baryny syryp çykmak, almak.

**SYRYŞMAK** [sy:ryşmak], *işl.***1**. Syrmaga kömekleşmek. *Men içerini syryşdym.* **2**.Birnäçe adam bilelikde syrmak. *Iki sany adam oglanlaryň başyny syryp durdy.* **2**. Birnäçe bolup boş, biderek aýlanyp ýörmek. *Gapy-gapy syryşyp ýörmäň-de, öz işiňiz bilen boluň!*

**SYTARA** [syta:ra], *at.* **1**. *zergärç.* Insizje matanyň ýüzüne berkidilip, çabydyň, jübiniň we ş.m. gyralaryna berkidilýän tegelejik ýa-da dörtburç kümüş şaý. *Başyna atynan maldaýy çabydynyň jübüleriniň agzyna hem sytaralar düzülgidi* (A. Gowşudow). **2**. *şahyr*. Ýyldyz; ykbal, täleý. *Goç ýigidiň sytarasy, Açylar meýdan içinde* ("Görogly").

**SYÝ**, *at.* Don, çäkmen, içmek ýaly açyk ýakaly geýimleriň öň tarapky etegi, etegiň burçy. *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.). *Güjük han syýyndan çekilmegine mähetdel düşeksiz ýere özüni goýberdi* (B. Kerbabaýew).

**SYÝA** [syýa:], **1**. *k.d.* Gara (reňk). *Aýryldym gunça gülümden, Syýa saçy sünbülimden* (Magtymguly). **2**. Hat ýazmak üçin ulanylýan reňkli suwuklyk.

**SYÝADAN** [syýa:da:n], Syýa guýulýan çüýşe, gap.

**SYÝAHAT** [syýa:hat], *at.* Uzak ýerlere gezelenç. *Hindistanda geçiren dostluk syýahatymyzy piliň arkasynda tamamladyk* (T. Gurbanow).

**SYÝAHATÇY** [syýa:hatçy], *at.* Syýahat edýän adam. *Taryhçylaryň, syýahatçylaryň şol şäheri wasp edýän eserlerini ol kän okapdy* (B. Kerbabaýew).

**SYÝAHATÇYLYK** [syýa:hatçylyk], *at.* **1**. Uzak ýerlere ýa-da ýurtlara edilýän syýahat. **2**. Ýurduň içine ýa-da daşyna syýahat edip, tebigaty, durmuşy öwrenmek, bilmek hem-de sport çärelerini geçirmek (pyýada ýa-a lyžaly ýöriş we ş.m. ) bilen utgaşdyrylýan gezelençli dynç alyş.*"Awaza" milli syýahatçylyk zolagy.*

**SYÝAK,** *at, kön.s.* Syna. *Döwlere meňzär syýagy, Zor Bezirgene ugradym* ("Görogly").

**SYÝASAT** [syýa:sat], *at.* **1.** Döwlet häkimiýetiniň, jemgyýetçilik toparlarynyň döwletiň içerki ýa-da daşary gatnaşygy boýunça bähbitlerini goramaklyga, dürli wezipeleri amala aşyrmaklyga gönükdirilen işi. **2.** Jemgyýetçilik durmuşynyň içerki we halkara meseleleri we wakalary. **3.** Adamlar aragatnaşygyny kesgitleýän, üstünlik gazanmak üçin gönükdirilen ýaşaýyş hereket täri, ýoly. **4.**Haýbat, abaý-syýasat. *Elbetde, duşmana syýasat ýagşy* (Magtymguly).

**SYÝASATÇY** [syýa:satçy], *at.* **1**. Syýasat meseleleri bilen meşgullanýan jemgyýetçilik işgäri. **2**. *gepl.d.* Syýasat bilen gyzyklanýan adam, belli bir syýasaty wagyz edýän adam. *Ol diýseň syýasatçy diýýärler.*

**SYÝASY** [syýa:sy], *syp.* Syýasata esaslanýan, syýasata öwrülen, syýasaty amala aşyrmaklyga, syýasata degişli. *Syýasy kitaplar.*

**SYZA**,*at.* Dik ösýän maýda pürli ösümlik. *Üstüne agaç germeşdirip, syza, selin bilen basyryp suwaýardy* (A. Gowşudow).

**SYZALYK**, *at.* Syzanyň köp gögerip oturan ýeri. *Torgaýlar bir enaýyja jüýbüldeşip, al-asmandan syzalygyň içine inýärdi* (N. Baýramow).

**SYZDYRMAK** [syzzyrmak], *işl.* **1**. Birine bir zady çala mälim etmek, duýdurmak. **2**. Ýuwaş-ýuwaşdan süzüp geçirmek. *Siz guýynyň aşagyndaky suwy syzdyryp goýberýäne çöwlük diýýänsiňiz* (B. Kerbabaýew).

**SYZGY** [syzğy], *at.* **1.** Palasa salynýan "gönjük"nagşynyň daşyndaky dörtburçluk. **2.** Bir nagşyň daşyna aýlanýan başga bir reňkdäki çyzmyk çitim.

**SYZGYN** [sy:zğyn]**:syzgynyny (sylgymyny) bermek** *ser.* **Sylgym**. *Ol bize syzgynyny berjek ýaly etdi.*

**SYZGYR** [syzğyr], *syp.* Daş-töwereginde bolup duran zatlary tiz duýýan, duýgur. *Sygyr örän syzgyr maldyr.*

**SYZGYRLYK** [syzğyrlyk], *at.* Tiz duýujylyk, duýgurlyk.

**SYZLABERMEK** [syzla:vermek], *işl.* Ýiti agyrybermek.

**SYZLAMA,** *iş ady.* Syzlamak ýagdaýy.

**SYZLAMAK,** *işl.* Syrkyrap, awuşap agyrmak, yzygiderli aram sorkuldap agyrmak. *Uzynly gije ýeriň batgasyny eýlän aýaklarymyz syzlaýardy* ("Edebiýat we sungat").

**SYZLAMAKLYK**, *iş ady.* Syzlamak ýagdaýy.

**SYZLAMAZLYK**, *iş ady.* Syrkyrap agyrmazlyk.

**SYZLAŞMAK,** *işl.* Bir ýeriň ýiti agyryp durmak.*Onuň penjesine ilen ten dalak ýaly gögerip, bütin hepde syzlaşyp durdy* (B. Kerbabaýew).

**SYZLATMAK,** *işl.* Syrkyrap agyrmagyna sebäp bolmak. *Ýeňseden duýdansyz inderilen zarba heniz hem beýnisini syzladýardy, göwresini götermäge mejaly ýokdy* (G. Kulyýew).

**SYZLAWUK** [syzlowuk], *at.* Bedene çykýan ýiti agyryly düwürtik. *Syzlawuk örän agyryly bolýar.*

**SYZLAÝYŞ,** *iş ady.* Syzlamak ýagdaýy.

**SYZMA,** *iş ady.* Syzmak ýagdaýy.

**SYZMAK,** *işl.* **1**.Bir zady çala aňmak, duýmak. *At bir zat syzýan ýaly gulaklaryny keýertdi.* **2**.Ýuwaş-ýuwaşdan süzülip geçmek, akmak. *Şol howza ýygnanýan suw ýere siňip, guýa syzmalydy hem-de onuň suwuny süýjetmelidi* ("Edebiýat we sungat").

**SYZMAKLYK**,*iş ady.* Syzmak ýagdaýy.

**SYZMAZLYK,** *iş ady.* Syzyp durmazlyk, syzyp bilmezlik.

**SYZY I**, *at.* Dyrnagyň et, ham bilen birleşýän iki gyrasy.

**SYZY II**, *at.* Çokaý, içmek ýaly zatlar tikilende, iki gyranyň arasyna goýlup tikilýän gaýyş ýa-da mawut. *Bagana içmek mawut syzy goýlup tikilipdir.*

**SYZYBERMEK** [syzyvermek], *işl.* Syzyp başlamak.

**SYZYLAMA**, *iş ady.* Syzylamak ýagdaýy.

**SYZYLAMAK**,*işl.* Syzy goýup tikmek.

**SYZYLAMAZLYK**, *iş ady.* Syzy goýup tikmezlik.

**SYZYLANMAK**,*işl.* Syzy goýlup tikilmek.

**SYZYLATMAK,** *işl.* Syzylamak işini başga birine etdirmek. *Çokaýy syzyladyp tikdirmek.*

**SYZYLMAK,** *işl.* **1.** Bir zat aňylmak, duýulmak. *Ýüzünde ene mähirli gaýgy alamaty syzyldy* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýuwaş-ýuwaşdan syzmak, kem-kemden geçip syrykmak.

**SYZYŞ,** *iş ady.* Syzmak ýagdaýy.

# Ş

Ş, Türkmen elipbiýiniň ýigrimi üçünji harpy.

**ŞA** [şa:], *at.* **1.** Käbir Gündogar ýurtlarda döwletiň hökümdary. *Müsürde şa bolandan Kenganda geda bol* (Nakyl). **2.** Küşt oýnunda iň esasy malyň ady. *Agaçdan ýonup perzi, pil, ruh, şa, at ýasapdyrlar* (A. Gowşudow).

◊ **Şa perde** dutarda esasy, iň aşaky perde. *Sazanda şa perdeden tutup başlady.*

**ŞABALYK** [şa:va:lyk], *at.* Agymtyl sary reňkli, iri teňňeli balyk.

**ŞABAZ** [şa:va:z], *at.* **1**. Laçyn, algyr. **2**. *göç.m.* Batyr, edermen, gerçek, mert. *Ýigitler içinde iki şabazym, Biri Hasan erdi, biri Öwezim* ("Görogly").

**ŞABRAM** [şavram], *syp.* Seçelenip, dökülip duran, şabrap duran, (saç, seçek we ş.m. hakynda). *Ir turup örseň, perim, şabram gara zülpüň darap, Aý ýüzüňni görmesem, bolýar meniň halym harap* (A. Salyh).

◊ **Şabram kakmak** barmaklaryň arasyny açyp dutar çalmak. *Şabram kakyp, şirin mukamlardan heň etdi* (H. Garabaýew).

**ŞABRAMA** [şavrama], **1**. *iş ady.* Şabramak ýagdaýy. **2**. Seçekleri şabrap duran atlaz, ýüpek ýaglyk.

**ŞABRAMAK** [şavramak], *işl.* Seçelenip dökülip durmak, seçelenmek (saç, seçek we ş.m. hakynda). *Onuň ýaglygynyň uzyn ýüpek seçekleri şabrap dur.*

**ŞABRAMAKLYK** [şavramaklyk], *iş ady.* Şabramak ýagdaýy.

**ŞABRAŇ** [şavraň], *syp., ser.* **Şabram**. *Mähriniň iki örüm şar gara şabraň saçlary partanyň üstüne düşüp durýardy* (A. Gowşudow).

**ŞABRAŞMAK** [şavraşmak], *işl.* Tutuşlygyna, hemmesi şabrap durmak. *Seçekleri şabraşyp duran ýüpek gyňaç.*

**ŞABRATMAK** [şavratmak], *işl.* Şabrap duran derejä ýetirmek, seçelendirmek. *Şar gara saçlaryny maýdaja örüp, garagotazyň bagy ýaly şabradyp, iki ýan çekgesinden goýberipdir* (N. Pomma).

**ŞABYRDAMA** [şavyrdama], *iş ady.* Şabyrdamak ýagdaýy.

**ŞABYRDAMAK** [şavyrdamak], *işl.* Şabyr-şabyr ses etmek, şabyrdyly seslenmek. *Ýagyş bolsa, şol bir şabyrdap ýagyp durdy* (A. Gurbanow).

**ŞABYRDAŞMAK** [şavyrdaşmak], *işl.* Bilelikde şabyrdamak, şabyrdyly ses etmek. *Üzüm agajynyň çygar çybyklary onuň geýiminden asylyşýardylar, şabyrdaşyp seslenýärdiler* (A. Gowşudow).

**ŞABYRDATMAK** [şavyrdatmak], *işl.* Şabyrdamak derejesine ýetirmek, şabyrdyly ses etdirmek. *Şabyrdadyp şelpe kakýan eli kirşiň üstünde pelesaň urýar* (N. Pomma).

**ŞABYRDAÝYŞ** [şavyrdaýyş], *iş ady.* Şabyrdamak ýagdaýy.

**ŞABYRDY** [şavyrdy], *at.* Şabyrdap güýçli ýagýan ýagyşdan, batly sepilýän suwdan çykýan sesleriň ady. *Ýagşyň şabyrdysyndan başga gögüň gübürdisi tama düşüp ýaňlanýardy* (A. Gowşudow).

**ŞABYR-ŞABYR** [şavyr-şavyr], *s.ş. aňl.söz.* Şabyrdap güýçli ýagýan ýagyşdan, batly sepilýän suwdan çykýan sesler. *Şabyr-şabyr edip ýagýan ýagyş derrew töweregi suw-sil etdi.*

**ŞADALAK** [şa:da:lak], *at.* Gaýygyň, nawuň uzynlygyna berklik we durnuklylyk üçin goýulýan esasy pürs.

**ŞADESSAN** [şa:dessa:n], *at, ser.* **Epos 1**.

**ŞADÄNE** [şa:dä:ne], *at.* Ýere ýazylyp ösýän ýaprakly, burçuň dänesi ýaly däneli ýaz oty.

**ŞADYHORRAM** [şa:dyhorrom], *syp.* Örän şat, keýpi juda kök, hiç bir aladasyz, şadyýan. *Bular ol baga baryp, säher çagynda otdan doýup, şadyhorram bolup ýör ekenler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞADYHORRAMLYK** [şa:dyhorromluk], *at.* Şadyýanlyk, keýpi köklük, şadyýan ýagdaýda bolmaklyk. *Meniň günüm şadyhorramlykda geçýär* (B. Pürliýew).

**ŞADYMAN** [şa:dyma:n], *syp.* **1**. *ser.* **Şadyýan 1**. *Hemra şadyman bolup bir söz diýdi* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

**ŞADYMANLYK** [şa:dyma:nlyk], *at, ser.* **Şadyýanlyk**. *Ili şatlyk, şadymanlyk güldürse, Maňa hemra bolan ganly çykypdyr* (Magtymguly).

**ŞADYÝAN** [şa:dyýa:n], *syp.* **1**. Şat, keýpi kök, wagty hoş, şähdaçyk, şadyýana, şadyman. *Toý lybasyn geýer garrylar, ýaşlar, Hemmeler şadyýan, belentdir başlar* (A. Kekilow). **2**. *at, ser.* **Şatlyk 2**. *Nagra kakyp, surnaý çalyp, şadyýan... Dokuz gündür döwran sürdi köşgünde* ("Zöhre – Tahyr").

◊ **Şadyýan kakmak** şadyýan çalmak. *Hanyň gyzy seýle çykar, Kenizler şadyýan kakar* (Kemine).

**ŞADYÝANA** [şa:dyýa:na], *hal, ser.* **Şadyýan**. *Çaga şadyýana böküp oýnaýar.*

**ŞADYÝANLYK** [şa:dyýa:nlyk], *at.* Şatlyk, keýpi köklük, wagtyhoşluk. *On gije-gündizläp şadyýanlyk etdiler* ("Görogly").

**ŞAGAL** [şağal], *at.* **1**. Itler maşgalasyndan bolan, köplenç, maslyk bilen iýmitlenýän ýyrtyjy haýwan. *Şagal awun şir iýmez* (Nakyl). *Gawunyň ýagşysyn şagal iýr bolsa, Namarda duş etdiň ýaryň ýagşysyn* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Mekir, hilegär, kezzap.

◊ **Şagala şam bolmak** zähmetiň hözirini dahylsyz adam görmek. *Der döküp gazananyňy şagala şam etme.* **Şagal mesligi** az wagtlyk dowam edýän şagalaň, oturylyşyk, keýp-sapa. *Şagal mesligini etmek.*

**ŞAGALAŇ** [şağalaň], *at.* Toý-tomaşanyň şowhuny, dabarasy. *Ol toý adamsy, şatlyk adamsy, şagalaň adamsy* (B. Kerbabaýew).

**ŞAGALAŇÇY** [şağalaňçy], *at.* Toý-tomaşany, şadyýanlygy gowy görýän, şadyýan adam.

**ŞAGALAŇLY** [şağalaňly], *syp.* Şatlykly, şowhunly, dabaraly. *Sen gözel görnüşden, şagalaňly durmuşdan ýüz dönderip, nirä gitjek?* (B. Kerbabaýew).

**ŞAGALAŇSYZ** [şağalaňsyz], *syp.* Şatlyksyz, şowhunsyz, dabarasyz. *Toýsuz, şagalaňsyz, şatlyksyz ýaşaýşyň kime geregi bar?* (B. Kerbabaýew).

**ŞAGGA** [şağğa], *hal.* Birden, birbada, batly (der bilen baglylykda ulanylýar). *Der şagga ýagyrnymyza çykdy* (N. Baýramow). *Şagga der gelmek. Şagga der inmek.*

**ŞAGGYLDAMA** [şağğyllama], *iş ady.* Şaggyldamak ýagdaýy.

**ŞAGGYLDAMAK** [şağğyllamak], *işl.* Şag-şag edip, şaggyldyly seslenip, şaglap, batly akmak. *Suw şaggyldap akýar.*

**ŞAGGYLDAMAKLYK** [şağğyllamaklyk], *iş ady.* Şaggyldamak ýagdaýy.

**ŞAGGYLDAŞMAK** [şağğyllaşmak], *işl.* Suw birnäçe ýerde şaggyldyly seslenip akmak. *Dag ýerindäki suwlar şaggyldaşyp akýar.*

**ŞAGGYLDATMAK** [şağğyllatmak], *işl.* Şaggyldyly seslendirmek.

**ŞAGGYLDAÝYŞ** [şağğyllaýyş], *iş ady.* Şaggyldamak ýagdaýy.

**ŞAGGYLDY** [şağğylly], *at.* Köp suwuň güýçli akmagy, aşak dökülmegi we ş.m. hereketler bilen baglanyşykly döreýän sesiň ady. *Niredendir güňleç şaggyldy sesi eşidilýär* (A. Gowşudow).

**ŞAGLA** [şağla], *syp.* **1**. Ýuka, aňyrsy görnüp duran, syk däl. *Bir mahal sapaklar köp üzülerdi, käte mata endigan çykmazdy, onuň kä ýeri hasa ýaly şaglarak bolardy* ("Edebiýat we sungat"). *Şagla perde.* **2**. Iri gözli (elek we ş.m. hakynda). *Şagla elek.*

**ŞAGLAMA** [şağlama], *iş ady.* Şaglamak ýagdaýy.

**ŞAGLAMAK** [şağlamak], *işl.* **1**. Şag-şag edip seslenmek (köplenç, güýçli akýan suw hakda). *Ol şaglap akýan çeşmäni höwes bilen synlap otyrdy.* **2**. Deňizde turan gaý sebäpli köp mukdarda kenara üýşmek (ownuk balyklar hakda).

**ŞAGLAMAKLYK** [şağlamaklyk], *iş ady.* Şaglamak ýagdaýy.

**ŞAGLAŞMAK** [şağlaşmak], *işl.* Birnäçe ýerde şaggyldyly seslenip akmak. *Suwlar akýar salmalardan şaglaşyp* (R. Seýidow).

**ŞAGLATMAK** [şağlatmak], *işl.* **1**. Şaglar ýaly derejede bat bilen akdyrmak, ýokardan aşaklygyna dökmek. *Suwy ýokardan şagladyp goýberdi.* **2**. *göç.m.* Aýtmak, diýmek. *Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň, Senden soňkulara ýadygär bolar*

(Magtymguly). **3**. Tiz satyp gutarmak. *Ol bazarly harytlaryny bir ýanyndan şagladyp satyp gutardy.*

**ŞAGLAWUK** [şağlowuk], *at.* Suwuň ýokardan güýçli inýän akymy, şaggyldap inýän ýeri, şarlawuk. *Esli ýöränlerinden soň, Permanyň şol aşakdaky synlan şaglawuk çeşmesiniň gözbaşynyň ýanyndan çykdylar* (A. Gowşudow).

**ŞAGLAÝYŞ** [şağlaýyş], *iş ady.* Şaglamak ýagdaýy.

**ŞAGRAMA** [şağrama], *iş ady.* Şagramak ýagdaýy.

**ŞAGRAMAK** [şağramak], *işl.* **1**. Gaty guramak, çygy galmazlyk. *Günde ýatan odunlar şagrapdyr.***2**. Gowy gurany üçin biri-birine degende şagyrdyly ses çykarmak. *Seren erikleriň-ä şagrap duran kişde bolupdyr*. **3**. *göç.m.* Pytramak, pytraşyp ýatmak. *Şol ertirden bäri atymy biýol sürüp gelşime, gumlarda-da, düzlerde-de şagrap ýatan küýze jäçleriniň, kerpiç döwükleriniň arasyndan saýlanyp bilmedim* (H. Derýaýew).

**ŞAGRAMAKLYK** [şağramaklyk], *iş ady.* Şagramak ýagdaýy.

**ŞAGRAŞMAK** [şağraşmak], *işl.* **1**. Bir zadyň gaty gurap, şagrap durmagy (gamyş, agaç şahalary we ş.m. barada). *Daşarda şagraşyp duran gury gamyşlar şuwwuldaýardy.* **2**. *göç.m.* Gaty gowy gurandygy üçin seçelenip durmak. *Ol şagraşyp duran erik kişdelerini halta guýup başlady*.

**ŞAGRATMAK** [şağratmak], *işl.* Şagyrdyly seslendirmek (***şagramak*** sözüniň 2-nji manysy boýunça). *Kişdeleri şagradyp, gapyrjaga guýdy.*

**ŞAGRAÝYŞ** [şağraýyş], *iş ady.* Şagramak ýagdaýy.

**ŞAG-ŞAG** [şağ-şağ], *s.ş.aňl.söz.* Suw beýikden pese bat bilen akanda we ş.m. ýagdaýda çykýan sesler.

◊ **Şag-şag etmek** *ser.* **Şaglamak 1**.

**ŞAGYRDAMA** [şağyrdama], *iş ady.* Şagyrdamak derejesi.

**ŞAGYRDAMAK** [şağyrdamak], *işl.* Şagyr-şagyr etmek, şagyrdyly seslenmek. *Tamyň depesinden sallanyşyp duran buz şelpeleri käýarym şagyrdap ýere gaçýardy* (P. Rejebow).

**ŞAGYRDAMAKLYK** [şağyrdamaklyk], *iş ady.* Şagyrdamak ýagdaýy.

**ŞAGYRDAŞMAK** [şağyrdaşmak], *işl.* Köpçülikleýin şagyrdamak. *Guran gamyşlar biri-birine degip şagyrdaşdylar.*

**ŞAGYRDATMAK** [şağyrdatmak], *işl.* Şagyrdyly seslendirmek. *Aýal şaýlaryny şagyrdadyp turdy* (B. Seýtäkow).

**ŞAGYRDAÝYŞ** [şağyrdaýyş], *iş ady.* Şagyrdamak ýagdaýy.

**ŞAGYRDY** [şağyrdy], *at.* **1**. Gür ösen agaçlaryň şahalary, gaty gury zatlar biri-birine degende döreýän sesiň ady. *Arka taraplarynda bir şagyrdy eşidilýän ýaly boldy* (A. Gowşudow). **2**. Guralyň, enjamyň we ş.m. zatlaryň näsazlygyndan ýüze çykýan garyşyk sesleriň ady. *Birden radionyň içinde şagyrdy köpeldi.*

**ŞAGYR-ŞAGYR** [şağyr-şağyr], *s.ş.aňl.söz.* Gaty gury zatlar, ýuka demir bölekleri ýa-da ýuka metal gaplar biri-birine degende döreýän sesler.

**ŞAGYRT** [şağyrt], *s.ş.aňl.söz.* Gaty gury zatlar biri-birine degende döreýän ses. *Şagyrt etmek.*

**ŞAH**, *at.* Käbir haýwanlaryň kelle süňki bilen utgaşyp çykýan uzyn, ujy ýiti sünk; şaha-şaha bolup, çykýan buýnuz. *Ahyry geçijik möjegiň garnyndan şahyny ildirip silkipdir* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞAH** [şa:h], *at, ser.* **Şa**.

**ŞAHA** [şaha] **I**, *at.* **1**. Agajyň ýa-da ösümligiň esasy düýp baldagynyň gapdalyndan gögerip çykýan uly gollary, pudak. *Her şahadan ýüp salyp, Hiňňildik asaýmaly* (A. Kekilow). **2**. Ylmyň, önümçiligiň we ş.m. bir ugry, bölümi, pudagy. **3**. Bir zadyň bölünip gidýän ugry, gol.

**ŞAHA** [şaha] **II**, *at.* Derýadan ýa-da ýapdan baş alýan suw ýoly, goly. *Obanyň gyrasyndan Murgap derýasynyň bir şahasy akyp geçýär.*

**ŞAHAÇA** [şahaça], *at.* Bir zadyň böleginiň kiçi ugry, goly.

**ŞAHADATNAMA** [şaha:datna:ma], *at.* **1**. Bir zady, biriniň şahsyýetini tassyklaýan resminama. *Şahsy şahadatnama. Dogluş hakynda şahadatnama. Sürüjilik şahadatnamasy.* **2**. Orta mekdebi tamamlanlara berilýän resminama.

**ŞAHALAMA**, *iş ady.* Şahalamak ýagdaýy.

**ŞAHALAMAK**, *işl.* Şaha çykarmak, şaha ýaýratmak.

**ŞAHALAMAKLYK**, *iş ady.* Şahalamak ýagdaýy.

**ŞAHALANMAK**, *at.* Şaha çykaryp başlamak, şaha ýaýradyp ugramak.

**ŞAHALAÝYŞ**, *iş ady.* Şahalamak ýagdaýy.

**ŞAHAMÇA**, *at.* Ýuridik şahs bolan bir edaranyň ýerleşýän ýerinden başga ýerde ýerleşýän we onuň ähli borçlaryny ýa-da borçlarynyň bir bölegini, şol sanda wekilçilik borçlaryny amala aşyrýan bölümi.

**ŞAHANA** [şa:ha:na], *at, kön.s.* Şalara mynasyp, şalaryň geýýän lybaslary (egin-eşik). *Aşyk Ahmede şahana lybaslar geýdirip, ýolga rowana kyldylar* ("Saýatly – Hemra"). *Märeke bu ýigidi patyşa tagtyna çykaryp, şahana lybaslar geýdirip oturdanlar* (A. Salyh).

**ŞAHANDAZ** [şahanna:z], *syp.* Şowhunly märekäni, saz-söhbeti, oturylyşygy, meýlisi, gürrüňçiligi halaýan. *Mürçe gözelleri şahandaz bolar* (Kemine). *Şahandazdyr biziň iller* (G. Ezizow).

**ŞAHANDAZLYK** [şahanna:zlyk], *at.* Şahandaz häsiýetlilik, şahandaz bolmaklyk. *Ili-güni gülüşdirip, keýpiköklük, şahandazlyk bilen gün geçirýän Japbaklar bihepbe däldiler* (B. Kerbabaýew).

**ŞAHLAK**, *syp.* Uly hem uzyn şahly. *Şahlak sygyr.*

**ŞAHLY**, *syp.* Şahy bolan.

**ŞAHLYJA**, **1**. *syp.* Kiçijik şahly. *Şahlyja owlak.* **2**. *at.* Köpýyllyk, otjumak ýabany ösümlik.

**ŞAHS**, *at.* **1**. Adam. **2**. *ser.* **Şahsyýet**. *Türkmeniň iri-iri şahslary, ýönekeý pähimdarlary, garadan gaýtmaz gönümel ogullary baradaky rowaýatlary*

*wagt biziň günlerimize alyp gelipdir* (B. Hudaýnazarow).

◊ **Fiziki şahs** hasaba alnan telekeçi, hukuk subýekti (*ser*. **Fiziki**), **Ýuridik şahs** hasaba alnyp, karhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň sanawyna girizilen subýekt (*ser*. **Ýuridik**).

**ŞAHSY** [şahsy:], *syp*. Şahsa degişli; hususy, ýekebara.

**ŞAHSYÝET,** *at*. Haýsydyr bir alamaty, sypaty bilen tapawutlanýan şahs.

**ŞAHSYÝETÇILIK**, *syp*. Şahsyýete degişli. *Şahsyýetçilik garaýyşlary henizem adamlaryň aňynda azu-köp saklanyp gelýär* (N. Jumaýew).

**ŞAHSYÝETLEŞMEK**, *işl*. Şahsyýete öwrülmek, şahsyýet bolmak.

**ŞAHSYÝETNAMA** [şahsyýetna:ma], *at*. Bir şahsyň şahsyýetini kepillendirýän resminama.

**ŞAHTA** [şa:hta], *at*. Ýeriň aşagynda kömür we ş.m. magdanlar gazylyp alynýan ýer; uzap gidýän gowak şekilli ýer.

**ŞAHTAÇY** [şa:htaçy], *at*. Şahtada işleýän işçi.

**ŞAHY** [şa:hy], *at*. Dürli reňkdäki zolak-zolak, parça-parça gülli ýüpek mata, patyşaýy. *Uzuk gyrasyna çapraz-çaňňa düzülen şahy çabydyny çykaryp berdi* (H. Derýaýew).

**ŞAHYR** [şa:hy:r], *at, edeb*. **1**. Goşgy, poema ýaly şahyrana eserleri döredýän adam.

**ŞAHYRANA** [şa:hy:ra:na], *syp.,edeb*. Çeper dilde ýazylan. *Goý, şahyrana baharlar gaýtalanyp dursun* (B. Hudaýnazarow).

**ŞAHYRANALYK** [şa:hy:ra:nalyk], *at*. Şahyrana esere mahsus aýratynlyk. *Goşgularyň şahyranalyk derejesi*.

**ŞAHYRÇYLYK** [şa:hy:rçylyk], *at, ser*. **Şahyrlyk**. *Men özümiň şahyrçylyk kärimi, Saýlamadym hünärleriň içinden* (A. Kowusow).

**ŞAHYRLYK** [şa:hy:rlyk], *at*. Şahyryň käri. *Adym Ata Salyh, şahyrlyk kärim* (A. Salyh).

**ŞAHYT** [şa:hyt], *at, k.d*. Şaýat. *Baryň kazy bilen müfti getiriň, Wezir-wekil şahyt bolup oturyň* ("Şasenem – Garyp").

**ŞAKÄKIL** [şa:kä:kil], *at, zergärç*. Gyzlaryň tahýasynyň çekge tarapyndan asyp, saçlarynyň üstünden aşaklygyna goýberýän ýüzi uly gaşly, aşagy dört şelpeli we düwmeli gyzyl çaýylan bezeg şaýy. *Şakäkil dakynmak.*

**ŞAKÄSE** [şa:kä:se], *at*. Farfordan ýasalan we içine nahar guýlup iýilýän uly käse.

**ŞAKGALAMAK**, *işl., ser*. **Pudarlamak**.

**ŞAKGALAŞMAK**, *işl*. **1**. Şakgalamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde şakgalamak. *Düýäniň etini şakgalaşyp oturmak.*

**ŞAKGALATMAK**, *işl*. Şakgalamak işini başga birine etdirmek. *Goýnuň etini ur-tut şakgalatmak.*

**ŞAKGA-ŞUKGA**, *hal*. Hasyr-husur, ur-tut, şark-şurk, şakyr-şukur, derrew, tizlik bilen, eglenmän. *Asyl şakga-şukga gyz-da taparys, Çynymyzy etsek tiz-de taparys* (Ç. Gurbangylyjow).

**ŞAKGYDYK-ŞAKGYDYK**, *s.ş.aňl.söz*. Otly gaty ýörände tigirleriň demir ýola degip, yzly-yzyna çykarýan sesi. *Otly şakgydyk-şakgydyk edip gidip ugrady.*

**ŞAKGYLDAMA** [şakgyllama], *iş ady*. Şakgyldamak ýagdaýy.

**ŞAKGYLDAMAK** [şakgyllamak], *işl*. Şakgyldyly ses çykmak, şakgyldyly seslenmek.

**ŞAKGYLDATMAK** [şakgyllatmak], *işl*. Şakgyldyly ses çykartmak.

**ŞAKGYLDAÝYŞ** [şakgyllaýyş], *iş ady*. Şakgyldamak ýagdaýy.

**ŞAKGYLDY** [şakgylly], *at*. Galyň demir zatlaryň biri-birine yzygiderli degmegi netijesinde döreýän sesiň ady.

**ŞAKYRDAMA**, *iş ady*. Şakyrdamak ýagdaýy.

**ŞAKYRDAMAK**, *işl*. Her hili metaldan ýasalan zatlar we ş.m. gaty zatlar biri-birine bat bilen degip, şakyrdyly ses çykarmak, şakyrdyly seslenmek.

**ŞAKYRDAMAKLYK**, *iş ady*. Şakyrdamak ýagdaýy.

**ŞAKYRDAŞMAK,** *işl*. Köp ýerden şakyrdap ses çykmak. *Ol iki elini dyzyna diräp turanda, çagşan süňkleri şakyrdaşyp gitdi* (B. Seýtäkow).

**ŞAKYRDATDYRMAK,** *işl*. Şakyrdyly seslendirmek. *Ol çagajyga oýunjagy şakyrdatdyrdy.*

**ŞAKYRDATMAK,** *işl*. Şakyrdyly ses çykartmak, şakyrdyly seslendirmek. *Kelew ketekçi şakyrdadyp gapyny açdy* (N. Pomma).

**ŞAKYRDY,** *at*. Her hili metaldan ýasalan zatlaryň we ş.m. gaty zatlaryň biri-birine bat bilen degende çykarýan sesiniň ady. *Bir ýerden arabanyň hem şakyrdysy eşidilip başlady* (B. Pürliýew).

**ŞAKYRDYK,** *at*. Köplenç, obada idegsiz gezip ýören mallary ürküzmek, gaçyp gider ýaly etmek üçin guýrugyna dakylýan döwük-ýenjik şakyrdaýan zat. *Sygryň guýrugyna şakyrdyk dakdyk.*

◊ **Şakyrdyk dakmak** gaçyp gitmäge mejbur etmek, masgaralap kowmak. *Ýeňsesine şakyrdyk dakylan, masgaralanyp kowlan ýigit kime gerek?!* (B. Kerbabaýew).

**ŞAKYR-ŞAKYR**, *s.ş.aňl.söz*. Her hili metaldan ýasalan zatlar we ş.m. gaty zatlar biri-birine yzly-yzyna bat bilen degende çykýan sesler.

**ŞAKYR-ŞUKUR**, *s.ş.aňl.söz*. **1**. Şakyrdyly çykýan ses, şakyrdy, şakyrt-şukurt. *Sakyr-sukuryň näme, gap-gaçlary eliňde gaçyrdyňmy?* **2**. *ser*. **Şakga-şukga, derrew**. *Ol şakyr-şukur işigi açdy.* **3**. *göç.m*. Her-hili ownuk-uşak zatlar. *Şakyr-şukurlaryňy öýe getirme.*

**ŞAKYRT,** *s.ş.aňl.söz*. Birbada çykýan şakyrdyly ses. *Onýança-da işik şakyrt etdi* (A. Nazarow).

**ŞAKYRT-ŞUKURT,** *s.ş.aňl.söz, ser*. **Şakyr-şukur 1**, **2**. *Telpegini silkip kellesine geýdi we şakyr-şukur işigi açdy-da çykdy* (A. Gowşudow).

**ŞAL** [şa:l], *at*. **1**. Aýallaryň başyna atynýan uly ýüň ýaglygy. – *Ýa bir kirmany şal bolsadym, Şasenem başyna orardy – diýip, Garyp bir gazal aýtdy* ("Şasenem – Garyp"). **2**. Syk dokalmadyk irimçik mata. *Girip gezem ýoluňda, bir köne şala dilber* (Kätibi).

**ŞALDYR** [şallyr], *at.* Eşegiň ýöreýiş hereketini çaltlandyrmak üçin ujuna zynjyr berkidilen gysgarak taýak. *Mawy gök eşegiň üstünde şaldyryny oýnap, jaň ädýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞALGAM** [şalğam], *at, ösüml.d.* Atanak güllüler maşgalasyna degişli bolup, boýy 0,5–I *m* ýetýän, köp şahaly, ýumurtga şekilli ýaprakly, kartoşka pisint hasyl getirýän ösümlik.

**ŞALK-ŞALK,** *s.ş.aňl.söz.* Köplenç, sygyrlar gaty ýörände çykýan aýak sesi.

**ŞALKYLDAMA** [şalkyllama], *iş ady.* Şalkyldamak ýagdaýy.

**ŞALKYLDAMAK** [şalkyllamak], *işl.* **1**. Ýörände şalkyldyly ses çykmak, şalkyldyly seslenmek (sygyr hakda). *Azatlyga, örä çykmanlaryna garaman, düýeler öz aýaklaryny örän haýal-ýagal göterýärdiler, sygyrlaryň-da şalkyldaýan toýnaklary göwünsiz ädýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Adamyň güýçli şikes ýeten eli, aýagy sallanyp durmak. *Görseler, onuň aýagy şalkyldap ýatyrdy* (R. Gelenow). **3**. *göç.m.* Biderek dasyrdap ýörmek. *Köçede şalkyldap ýörmek aýypdyr.*

**ŞALKYLDAMAKLYK** [şalkyllamaklyk], *iş ady.* Şalkyldamak ýagdaýy.

**ŞALKYLDAŞMAK** [şalkyllaşmak], *işl.* **1**. Birden köp zat şalkyldamak. *Onuň eli, aýagy şalkyldaşyp ýatyr.* **2**. *göç.m.* Köpçülik bolup işsiz entemek. *Köçede şalkyldaşyp ýörmek gowy däl.*

**ŞALKYLDATMAK** [şalkyllatmak], *işl.* Şalkyldamaga sebäp bolmak.

**ŞALKYLDAÝYŞ** [şalkyllaýyş], *iş ady.* Şalkyldamak ýagdaýy.

**ŞALKYLDY** [şalkylly], *at.* Köplenç, sygyr gaty ýörände toýnagyndan çykýan sesiň ady

**ŞALLAK,** *at.* **1**. Suwda kelläňe kakyp ýüzüp gaçyp oýnalýan oýun. **2**. Gamçy ýaly urulýan zat *Halwany hekim iýer, şallagy – ýetim* (Nakyl).

**ŞALLAKLAMA,** *iş ady.* Şallaklamak ýagdaýy.

**ŞALLAKLAMAK,** *işl.* **1**. Aýaklaryňy, elleriňi galgatmak, hereketlendirip ýatmak (adam hakda). *Çaganyň aýaklary şallaklaýardy.* **2**. *gepl.d.* Art aýaklaryny deň hereketlendirip hyzzyn atmak (eşek hakda).

**ŞALLAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Şallaklamak ýagdaýy.

**ŞALLAKLAŞMAK**, *işl.* Köpçülikleýin şallaklamak.

**ŞALLAKLATMAK**, *işl.* Aýagy, eli çalt-çaltdan hereketlendirmek, hereket etdirmek. *Çagajyk elini, aýagyny şallakladyp oýnap ýatyrdy.*

**ŞALLAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Şallaklamak ýagdaýy.

**ŞALLAKY**, *at.* **1**. Ujuna üşgi ötürilip, demir, kümüş ýaly metal önümleri, şonuň ýaly-da agaç önümlerini deşmek, oýmak üçin ulanylýan örän ýönekeý gurluşly ussaçylyk guraly. **2**. *gepl.d.* Şallaklap ýören, haýýarlyk edýän, bedasyllyk edýän. *Şallaky adam.*

**ŞALPYLDAMA** [şalpyllama], *iş ady.* Şalpyldamak ýagdaýy.

**ŞALPYLDAMAK** [şalpyllamak], *işl.* Şalpyldyly ses çykmak, şalpyldyly seslenmek. *Men şalpyldap, howuzdan çykyp başladym* ("Edebiýat we sungat").

**ŞALPYLDAMAKLYK** [şalpyllamaklyk], *iş ady.* Şalpyldamak derejesi.

**ŞALPYLDAŞMAK** [şalpyllaşmak], *işl.* Köp bolup şalpyldamak. *Çagalar suwda şalpyldaşyp oýnaýardylar.*

**ŞALPYLDATMAK** [şalpyllatmak], *işl.* Şalpyldyly ses çykartmak. *Suwy şalpyldadyp dökmek.*

**ŞALPYLDAÝYŞ** [şalpyllaýyş], *iş ady.* Şalpyldamak ýagdaýy.

**ŞALPYLDY** [şalpylly], *at.* Suwuklykda edilýän hereket, tolkun zerarly döreýän sesiň ady. *Suwuň şalpyldysy. Tolkunlaryň şalpyldysy.*

**ŞALPY-ŞARAŇ,** *syp.* Üsti-başyna suw syçrap, dökülip öl-myžžyk. *Üsti-başymyz şalpy-şaraň boldy.*

**ŞALPY-ŞARAŇLYK**, *at.* Şalpy-şaraň ýagdaýda bolmaklyk.

**ŞALTAK,** *at.* **1**. Maýyp, agsak. *Şaltak düýe.* **2**. *göç.m.* Käbir mallaryň guýruk tarapyndaky gatap galan hapa, çaňňalak.

**ŞALT-PALT: şalt-palt bolmak** derrew oňa-muňa harçlanyp gutarmak, sowulmak. *Alan aýlygymam bäş günüň içinde şalt-palt boldy.* **Şalt-palt etmek** derrew oňa-muňa harçlap gutarmak, sowmak. *Puluňy iki günüň içinde şalt-palt edäýmegin.*

**ŞALT-ŞALT**, *hal, ser.* **Şaltyldy**. *Sygyrlar şaltda-şalt ýöreşýärdiler. Göleler dyzaşyp garaşýardylar* (Ç. Gurbangylyjow).

**ŞALTYLDY** [şaltylly], *at.* Käbir toýnakly mal ylganda çykýan sesiň ady.

**ŞALY** [şa:ly], *at.* **1**. Ýere bol suw yzygiderli goýberilip ýetişdirilýän däneli ekin. *Şaly suwsuz bolmaz, palaw – bugsuz* (Nakyl). **2**. Şol ekiniň daşy arassalanmadyk dänesi.

**ŞALYK** [şa:lyk], *at.* **1**. Şanyň dolandyrýan döwleti, patyşalyk edilýän ýurt; şanyň hökümi ýöreýän ýer. *Parfiýa şalygy.* **2**. Şa, patyşa bolmak derejesi, ýurtda iň ýokary wezipe. *Şalyk sürmek.*

**Şalyk sürmek** 1) şa hökmünde ýurdy dolandyrmak. **2**) *göç.m.* bir zat hökümini ýöretmek, agdyklyk etmek. *Daşarda mylaýym hem asuda hindi gijesi şalyk sürýärdi* (T. Gurbanow).

**ŞALYLYK** [şa:lylyk], *at.* Şaly ekilen ýer, şaly meýdany. *Şalylyk meýdan.*

**ŞAM** [şa:m], *at, k.d.* **1**. Agşam, iňrik garalan çagy, giçlik. *Şam giderdim Leýli bile, Gol tutuşyp, güle-güle* ("Leýli – Mejnun"). **2**. Nahar, iýmit. *Sürüden saýlanan goýun gurda şam bolar* (Atalar sözi). *Sürüden saýlanan goýnuň gurda şam bolýanyny-da unudamok* (B. Kerbabaýew). **3**. *kön.s.* Siriýanyň gadymy ady.

**ŞAMAN** [şa:ma:n], *at.* **1**. Esasan demirgazykda ýaşaýan halklarda: jadygöý tebip.

◊ **Şaman ody** köne däp-dessura görä "günäňi dökmek" üçin üstünden bökülýän ot. *Biz şaman otdan böküşip oýnadyk* (B. Gulow).

**ŞAMAR** [şa:ma:r], *at, k.d.* **1**. Jadyly ertekilerde şekillendirilýän köp kelleli, uly hyýaly jandar; ýylanlaryň şasy. *Şu gün şamar bilen söweş gurar*

*men, Ölsem, eýe boluň siz läşe, begler!* (Şabende). **2**. *göç.m.* Ýogyn uzyn saç. *Saçyňa örme ýaraşar, Saçlaryň şamar, Hatyja* (Seýdi). *Gara saçyň garly dagyň şamary, şol sebäpli boldum yşkyň bimary* (Mätäji).

**ŞAMA-ŞAÝYRDY**, *at.* **1**. Biderek, ugur-utgasyz boş gürrüň, dereksiz gybat. *Ol ýüzüni aşak salyp, sözüni şama-şaýyrda urdy* (H. Garabaýew). **2**. Eden-etdilik, bulam-bujarlyk, tertipsiz hereketler.

◊ **Şama-şaýyrda gitmek** dargadylmak, tozdurylmak, sowrulmak, biderek harçlanmak.

**ŞAMA-ŞAÝYRDYLYK**, *at.* **1**. Boşluk, bidereklik, netijesizlik (gürrüň hakynda). **2**. Eden-etdilik, bulam-bujarlyk, tertipsizlik, düzgünsizlik.

**ŞAMÇYRAG** [şa:mçyra:ğ] **I**, *at.* Gijelerine çyra ýaly yşyk berýän owadan reňkli, ýyldyrawuk şöhle saçýan gymmatbaha daş. *Bularyň biri gyzyl, biri göwher, biri-de şamçyrag eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞAMÇYRAG** [şa:mçyra:ğ] **II**, *at.* Gije ýakylýan ýiti şöhleli çyra. *Giň haremhananyň penjiresiniň öňünde hindi ussasynyň eli bilen ýylmanak ak daşdan ýasalýan şamçyrag ýanyp durdy* ("Edebiýat we sungat").

**ŞAMLAMAK** [şa:mlamak], *işl.* **1**. Giç dogmak (Aý hakynda). *Şamlan aý ýaňyja dogup, galyp başlady* (A. Gowşudow). **2**. Agşam, şam wagty otlamak (mal hakynda).

**ŞAMLATMAK** [şa:mlatmak], *işl.* Mallary garaňky düşýänçä otlatmak. *Dowarlary şamladyp geldim.*

**ŞAMLYK** [şa:mlyk], *at.* Agşamlyk nahar, giçlik nahary. *Şamlyk bişipdir.*

**ŞAMPUN** [şampu:n], *at.* Suwuklyk ýa-da krem görnüşindäki ýuwujy serişde. *Maşyn ýuwulýan şampun. Saç ýuwulýan şampun. Çaga şampuny.*

**ŞAMU-SÄHER** [şa:mu:-säher], *at, k.d.* Ertir-agşam, hemişe. *Arzuwyň çeker men şamu-säherde* ("Saýatly – Hemra"). *Şamu-säher perýadymy, Hüýrlukga jana ýetir* ("Hüýrlukga – Hemra").

**ŞAN** [şa:n] **I**, *at.* Kimdir biriniň ýa-da taryhy wakanyň özi hakynda, hatyrasyna. *Magtymguly, aşyk mestan, Bagladym şanyna destan* (Magtymguly).

**ŞAN** [şa:n] **II**,*at.* Mala degýän ýokanç kesel. *Şan keseli, köplenç, tomus aýlarynda ýüze çykýar.*

**ŞAN** [şa:n] **III**,*at.* Käbir tutlar ýapraklamazyndan öň olarda bolýan tudana meňzeş tozga.

**ŞANA** [şa:na], *at, k.d.* Saç daralýan darak, başdarak. *Ýerden, gökden göterlipdir kararym, şana alyp, syýa zülpün daranym* (Kemine). *Säher tursa golunda, şirmaýydan daragy, Şana urup zülpüňe, çözle gara göz gelin* (Mätäji). *Saçda şana söwdügim, Golda hyna söwdügim* (Dosmämmet).

**ŞANLAMA** [şa:nlama], **1**. *iş ady.* Şanlamak ýagdaýy. **2**. Mallara degýän howply sary getirme keseli.

**ŞANLAMAK** [şa:nlamak], *işl.* Şan keseli bilen kesellemek, şan keseli degmek (mallar hakynda). *Goýun şanlapdyr.*

**ŞANLAMAKLYK** [şa:nlamaklyk], *iş ady.* Şanlamak ýagdaýy.

**ŞANLATMAK** [şa:nlatmak], *işl.* Şan keseli bilen keselletmek.

**ŞANLAÝYŞ** [şa:nlaýyş], *iş ady.* Şanlamak ýagdaýy.

**ŞANLY** [şa:nly], *syp.* Dabaraly, şöhratly, hatyraly, mertebeli, beýik.

**ŞANOTY** [şa:noty], *at.* Köpýyllyk ýabany ösümlik, tilkisumaý.

**ŞAN-ŞÖHRAT** [şa:n-şöhra:t], *at.* At-abraý, dabara, meşhurlyk.

**ŞAN-ŞÖHRATLY** [şa:n-şöhra:tly], *syp.* At-abraýa eýe, meşhur, dabaraly. *Sawçy bolup söz aýtsyn säherler, Bir obanyň san-söhratly gyzyna* (G. Ezizow). *Biziň halkymyzyň şan-şöhratly geçmişi bolupdyr.*

**ŞAN-ŞÖHRATLYLYK** [şa:n-şöhra:tlylyk], *at.* Şan-şöhrata eýelik, şan-şöhratly bolmaklyk.

**ŞAŇ I**, *s.ş.aňl.söz.* Adamyň öz gulagynyň içinde eşidýän sesi.

◊ **Şaň etmek** bir gezek saňlamak.

**ŞAŇ II: şaň bolmak** içip-içip, hiç zady bilmez ýaly bolmak.

**ŞAŇK-ŞAŇK**, *s.ş.aňl.söz.* Metal zatlar yzly-yzyna biri-birine bat bilen degende çykýan sesler.

**ŞAŇKYLDAMA** [şaňkyllama], *iş ady.* Şaňkyldamak ýagdaýy.

**ŞAŇKYLDAMAK** [şaňkyllamak], *işl.* Metal zatlar biri-birine bat bilen degende şaňkyldyly seslenmek. *Çekiç agaja degip gütleýärdi, käte, demre degip şaňkyldaýardy* (B. Kerbabaýew).

**ŞAŇKYLDAMAKLYK** [şaňkyllamaklyk], *iş ady.* Şaňkyldamak ýagdaýy.

**ŞAŇKYLDATDYRMAK** [şaňkyllatdyrmak], *işl.* Şaňkyldatmagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**ŞAŇKYLDATMAK** [şaňkyllatmak], *işl.* **1**. Şaňkyldyly ses çykarmak, şaňkyldyly seslendirmek. *Demir zatlary şankyldadyp durmasana*. **2**. *gepl.d.* Soraga jaýdar jogap bermek. *Mugallymyň maňa beren soraglarynyň barysyny şaňkyldadandyryn*.

**ŞAŇKYLDAÝYŞ** [şaňkyllaýyş], *iş ady.* Şaňkyldamak ýagdaýy.

**ŞAŇKYLDY** [şaňkylly], *at.* Metal zatlar biri-birine bat bilen degende çykýan sesiň ady.

**ŞAŇLAMA,** *iş ady.* Şaňlamak ýagdaýy.

**ŞAŇLAMAK,** *işl.* **1**. Gulagyň içinde şaňňyldyly ses eşidilmek. *Haýsy gulagym şaňlady, hany biljek bol, meni kim agzaýarka?* **2**. *göç.m.* Içinde ses ýaňlanmak, şarňyldap durmak ( uly täze giň jaýyň içi hakynda). *Şaňlap duran ýedi sany, Ýedi ganat öýleri bar* (K. Gurbannepesow).

◊ **Gulagy şaňlamak** kimdir biri agzamak, ýatlamak (adamyň gulagynyň şaňlamagy bilen baglanyşykly aýdylýan aňlatma).

**ŞAŇLAMAKLYK,** *iş ady.* Şaňlamak ýagdaýy.

**ŞAŇLATMAK,** *işl.* Şaňňyldyly ses etdirmek.

**ŞAŇLAÝYŞ,** *iş ady.* Şaňlamak ýagdaýy.

**ŞAŇLAWUK** [şaňlowuk], *syp., ser.* **Şaňňy**. *Agşamyň agramyny hut şol şaňlawuk sese garaşyp geçirmänmidi näme?* (G. Kulyýew).

**ŞAŇŇY,** *syp.* Çakyr, ýiti, mylaýym däl (ses hakynda). *Şaňňy ses.*

**ŞAŇŇYLDAMA** [şaňňyllama], *iş ady.* Şaňňyldamak ýagdaýy.

**ŞAŇŇYLDAMAK** [şaňňyllamak], *işl., ser.* **Şaňňyrdamak**.

**ŞAŇŇYLDAMAKLYK** [şaňňyllamaklyk], *iş ady.* Şaňňyldamak ýagdaýy.

**ŞAŇŇYLDAŞMAK** [şaňňyllaşmak], *işl.* Bilelikde şaňňyldamak, ýerli-ýerden şaňňyldap durmak.

**ŞAŇŇYLDATMAK** [şaňňyllatmak], *işl.* Şaňňyldyly ses çykartmak, şaňňyldyly seslendirmek.

**ŞAŇŇYLDAÝYŞ** [şaňňyllaýyş], *iş ady.* Şaňňyldamak ýagdaýy.

**ŞAŇŇYLDY** [şaňňylly], *at, ser.* **Şaňňyrdy**. *Gyzlaryň sümsülereleriniň şaňňyldysy eşidilýärdi.*

**ŞAŇŇYRDAMA,** *iş ady.* Şaňňyrdamak ýagdaýy.

**ŞAŇŇYRDAMAK,** *işl.* Kümüş şaý-seplerden şaňňyrdyly ses çykmak, şol zatlar şaňňyrdyly seslenmek, şaňňyr-şaňňyr etmek. *Teňňe etegine şaňňyrdap düşdi* ("Görogly").

◊ **Şaňňyrdap oturan** ýaňy edinilen ýaş gelin. *Gaty howlugýaň-la, näme, öýde şaňňyrdap oturanyň barmy?*

**ŞAŇŇYRDAMAKLYK,** *iş ady.* Şaňňyrdamak derejesi.

**ŞAŇŇYRDAŞMAK,** *işl.* Köpçülikleýin şaňňyrdamak, ýerli-ýerden şaňňyrdamak.

**ŞAŇŇYRDATMAK,** *işl.* Şaňňyrdyly ses etdirmek. *Kelje batyr hem geçiň derisini geýip, döwüň tamynyň üstüne çykyp, düwmelerini şaňňyrdatdy* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞAŇŇYRDAWUK** [şaňňyrdowuk], *syp.* Şaňňyrdyly ses çykarýan, şaňňyrdap seslenýän. *Şaňňyrdawuk şaýly gelinler, gyzlar, Özbaşlaryna syrykdylar bir ýana* (B. Kerbabaýew).

**ŞAŇŇYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Şaňňyrdamak ýagdaýy.

**ŞAŇŇYRDY,** *at.* Metal we ş.m. zatlar, bezeg şaýlary biri-birine batly degende, ýere gaçanda döreýän sesiň ady. *Gulagyna kakyldy, Bir ýuwaşja şaňňyrdy* (A. Alamyşow).

**ŞAŇŇYR-ŞAŇŇYR**, *s.ş.aňl.söz.* Metal we ş.m. zatlar, bezeg şaýlary biri-birine batly degende, ýere gaçanda döreýän sesler.

**ŞAŇŇYR-ŞUŇŇUR**, *s.ş.aňl.söz, ser.* **Şaňňyr-şaňňyr**.

**ŞAŇRUK** [şaňru:k], *at.* **1**. Burnuň üstki gaty bölegi. **2**. Burun keseli sebäpli burnuna salyp gepleýän geňzew adam.

**ŞAP: şap bolmak** laýyk bolmak. *Köwüş aýagyma şap bolaýdy. Köýnek maňa şap bolaýdy.* **Şap etmek** urmak (çaga gepleşiginde).

**ŞAPADAŇLAMA**, *iş ady.* Şapadaňlamak ýagdaýy.

**ŞAPADAŇLAMAK**, *işl.* Böküp, elleriňi butlaryňa urup ylgamak. *Myratgeldi bolsa "bolýa, eje" diýip, şapadaňlap, kakasynyň yzyndan gitdi* (A. Durdyýew).

**ŞAPADANLAMAKLYK**, *iş ady.* Şapadaňlamak derejesi.

**ŞAPADAŇLAŞMAK**, *işl.* Bilelikde şapadaňlamak, köp bolup şapadaňlamak. *Olaryň has ekabyrraklary suwuň gös-göni öňünden şapadaňlaşyp gaçýardylar* (Ý. Mämmediýew).

**ŞAPAK**, *at.* Gün dogmazyndan öň ýa-da ol ýaşandan soň, onuň dogýan hem ýaşýan ýerinde emele gelýän gyzyl reňkli ýaýraň tebigy ýalkym. *Gündogardan göterilen daň şapagy dünýä ýüzüne çalymtyk çäkmen bolup çaýylýardy* (B. Kerbabaýew). *Gyzyl şapak ýanýar iňňän uzakda, Häzir Gün dogmanka ýygymçy geler* (B. Hudaýnazarow).

**ŞAPALAK**, *at, gepl.d., ser.* **Şapbat**. *Başy agyran şapalak iýer, garny agyran – topalak* (Nakyl).

**ŞAPBA**, *hal.* Duýman durka, şarpa, birden, duýdansyz, garaşylmazdan. *Tilki gargalaryň birini şapba tutupdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞAPBA-ŞAPBA**, *hal.* Öwran-öwran, yzly-yzyna şapladyp-şapladyp. *Şapba-şapba ogşamak.*

**ŞAPBA-DA-ŞUPBA** [şapba-da-şupbo], *hal.* Biri-birini ýitirip tapan ýaly, ara maý salman, dessine, derrew, çalt, çaltlyk bilen. *Bular çagalaryny ellerine alyp, şapba-şupba ogşap, towusdyryp, söýüp, öýlerine tarap gitdiler* (A. Durdyýew). *Şapba-şupba görüşmek.*

**ŞAPBAT** [şapba:t], *at.* **1**. Eliň açyk ýagdaýyndaky iç ýüzi. **2**. Eliň açyk iç ýüzi bilen urulýan zarply urgy, şarpyk, şapbyk. *Myradyň ýanyna baryp, dulugyna şapbat bilen çalyp, elinden tutdy-da, düýbe itekläp goýberdi* (A. Durdyýew). **3**. *göç. m., ser.* **Şarpyk 4**. *Ýaşlykdan durmuşyň şapbadyny datdy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Şapbat ýaly** ýuka hem kiçijik. *Ojagymda şapbat ýalyjak Gyzdyrmaçjyk bişirindim* (K. Gurbannepesow).

**ŞAPBATLAMA** [şapba:tlama], *iş ady.* Şapbatlamak ýagdaýy.

**ŞAPBATLAMAK** [şapba:tlamak], *işl.* Şapbat bilen urmak, kakmak, şarpyk çalmak. *Iň soňunda göwnühoş gülüp, döşüne şapbatlady* (N. Jumaýew).

**ŞAPBATLAMAKLYK** [şapba:tlamaklyk], *iş ady.* Şapbatlamak ýagdaýy.

**ŞAPBATLATMAK** [şapba:tlatmak], *işl.* Şapbatlamak işini birine etdirmek.

**ŞAPBATLAÝYŞ** [şapba:tlaýyş], *iş ady.* Şapbatlamak ýagdaýy.

**ŞAPBYK**, *at, ser.* **Şapbat 2**. *Şapbyk çalmak. Şapbyk iýmek.*

**ŞAPBYLDAMA** [şapbyllama], *iş ady.* Şapbyldamak ýagdaýy.

**ŞAPBYLDAMAK** [şapbyllamak], *işl.* Şapbyldyly ses çykmak, şapbyldyly seslenmek. *Ol nahar iýende agzy şapbyldar durardy.*

**ŞAPBYLDAMAKLYK** [şapbyllamaklyk], *iş ady.* Şapbyldamak ýagdaýy.

**ŞAPBYLDATMAK** [şapbyllatmak], *işl.* Çeýnäp oturan çöregini her ýuwutjak bolanda dodaklaryny biri-birine ýetirip, agzyndan şapbyldyly ses çykarmak. *Çaşçy Çaman palawy üznüksiz çarşaklan barmaklaryny şapbyldadyp ýalady* (A. Gowşudow).

**ŞAPBYLDAÝYŞ** [şapbyllaýyş], *iş ady.* Şapbyldamak ýagdaýy.

**ŞAPBYLDY** [şapbylly], *at.* Nahar iýlende, ogşaşylanda we ş.m. dodaklaryň biri-birine ýapyşyp aýrylmagyndan döreýän zarply sesiň ady. *Dodaklaryna erigiň şepbigi çalnan ýaly, garalary görünmänkä, şapbyldysy eşidilýär* ("Edebiýat we sungat").

**ŞAPLAMAK** [şapylamak], *işl., gepl.d., ser.* **Şaplaşmak**.

**ŞAPLAŞMAK** [şapylaşmak], *işl.* Şap bolmak, laýyk bolmak, şaplamak. *Halk lakam goýýan adamsynyň göwresine, sypatyna, gaýratyna şaplaşyp duran lakam goýýan eken* (N. Pomma).

**ŞAPLATMAK** [şapylatmak], *işl.* **1**. Birine bir zady haýdan-haý, derrew aýtmak. *Bolan wakany Mätä ýerli-ýerden şapladyp habar berýärler* (T. Gurbanow). **2**. *göç.m.* Batly urmak, çalmak. *Ýel gumuň iri dänelerini ýüzüňe şapladyp urýardy* (B. Kerbabaýew).

**ŞAP-ŞAP**, *s.ş.aňl.söz., ser.* **Şapba-şapba**. *Ogluny dyzynyň üstünde dik durzup, şap-şap ogşap, bagryna basdy* (A. Durdyýew).

**ŞAP-ŞUP: şap-şup etmek** bir zady çaltlyk bilen iýmek, lak-luk atmak.

**ŞAPYRDAMA,** *iş ady.* Şapyrdamak ýagdaýy.

**ŞAPYRDAMAK,** *işl.* Şapyrdyly ses çykmak, şapyrdyly seslenmek. *Ol şapyrdap başlan el çarpyşygy elini daldalap saklady* (B Kerbabaýew).

**ŞAPYRDAMAKLYK,** *iş ady.* Şapyrdamak ýagdaýy.

**ŞAPYRDAŞMAK** *işl.* Bilelikde şapyrdamak, şapyrdyly ses etmek. *Daňdan namaz wagtlary birden üç sany kepderi şapyrdaşyp, çeşmäniň başyndaky çynara gondy* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞAPYRDATMAK,** *işl.* Şapyrdyly ses çykarmak, şapyrdyly seslendirmek. *Ýel serilgi geýimleri şapyrdadýardy.*

**ŞAPYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Şapyrdamak ýagdaýy.

**ŞAPYRDY,** *at.* Suwuň içi bilen çalt ýörelende, ýagyş iri damjalap ýaganda, seçekli zatlara ýel degende we ş.m. ýagdaýda döreýän sesiň ady. *Güýçli ýagýan ýagşyň şapyrdysy bulary oýardy* (Ç. Aşyrow).

**ŞAPYRDYK,** *at, gepl.d., ser.* **Şabrama 2**. *Şapyrdyk ýaglyk.*

**ŞAPYR-ŞUPUR,** *hal, ser.* **Şapba-şupba**. *Ol köne dosty bilen şapyr-şupur görüşdi.*

**ŞAR**[şa:r] **I**, *at.* **1**. Togalak geometrik şekil. *Şaryň üsti.* **2**. Şonuň ýaly görnüşli zat. *Bilýardyň şary.* **3**. Içine ýel berlip uçurylýan zat. *Asmana şar uçurmak.*

**ŞAR** [şa:r] **II**, Gara diýen sypatyň öňünden gelip, sypatyň artyklyk derejesini ýasaýan ownuk bölek. *Dürli lybas geýip gelinler-gyzlar, Saçlary şar gara, ýüzi gunduzlar* (A. Kekilow). *Gyzyň şar gara saçlary şu ölügsi ýşyga ýalp-ýalp edýärdi* (T. Gurbanow).

**ŞARA**, *at.* Ýuka dilnen bölek-bölek edilip duzlanan etden, balykdan közüň üstünde ýa-da saçda daglanyp bişirilýän nahar. *Oglanlaryň biri onuň bagryndan, ýüreginden, art bududyr guýrugyndan alaga-da şara etdi* (Ý. Mämmediýew).

**ŞARAMA** [şa:rama], *iş ady., gepl.d.* Şaramak ýagdaýy.

**ŞARAMAK** [şa:ramak], *işl., gepl.d.* Küşt oýnunda at göçülende iki mala düşmek. *Altynjy göçümde onuň aty şarady.*

**ŞARATDYRMAK** [şa:ratdyrmak], *işl., gepl.d.* Şaratmak işini birine etdirmek.

**ŞARATMAK** [şa:ratmak], *işl., gepl.d.* Şaramak ýagdaýyna düşürmek. *Aty şaradyp, mugt mal almak.*

**ŞARAÝYŞ** [şa:raýyş], *iş ady., gepl.d.* Şaramak ýagdaýy.

**ŞARF**, *at.* Boýna oramak, dakmak üçin dokalan (örülen) mata zolagy. *Çaşçyň egninde köneräk gara kostýumy bardy, boýnuna ala şarf atynypdy* (A. Gowşudow).

**ŞARK I**, *at, k.d.* Gündogar. *Şarkyň gyzy oraýany ýaglygy, Sypap-sypap, maňlaýyna daňypdyr* (M. Seýidow).

**ŞARK II**, *s.ş.aňl.söz.* Demir we demirden ýasalan zatlar biri-birine batly degende döreýän ses.

**ŞARKA**, *hal.* Bat bilen, birden, duýdansyz, batly. *Syçan girdigi, gapyrjagyň agzy şarka ýapylýandyr* (G. Gurbansähedow).

**ŞARK-ŞARK**, *s.ş.aňl.söz.* Demir we demirden ýasalan zatlar gaýta-gaýta biri-birine batly degende döreýän ses. *Şark-şark maşyn sesi, Biri-birine garyşýar* (A. Nyýazow).

**ŞARK-ŞURK**, *hal.* Çaltlyk bilen, ur-tut, bada-bat, şart-şurt, birden, derrew, dessine, çalt. *Horasan tilkisi ýuwaşlyk bilen gapany goýberjek bolýar weli, şark-şurk gapana düşýär galyberýär* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞARKYLDAMA** [şarkyllama], *iş ady.* Şarkyldamak ýagdaýy.

**ŞARKYLDAMAK** [şarkyllamak], *işl.* Demir we demirden, gaty agaçdan we ş.m. ýasalan zatlar biri-birine batly degende şarkyldyly seslenmek. *Jaýyň gapysy şarkyldap açyldy. Edil şol demde gara öýüň bäş ädim öňündäki daş tamyň gapysy şarkyldap açyldy-da, işigiň eňsisi serpilen gara öýüň bosagasynda Enebaý ejäniň äpet göwresi peýda boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.).

**ŞARKYLDAMAKLYK** [şarkyllamaklyk], *iş ady.* Şarkyldamak ýagdaýy.

**ŞARKYLDAŞMAK** [şarkyllaşmak], *işl.* Bilelikde şarkyldamak, şarkyldyly ses etmek, yzly-yzyna şarkyldamak.

**ŞARKYLDATDYRMAK** [şarkyllatdyrmak], *işl.* Şarkyldatmak hereketini etdirmek.

**ŞARKYLDATMAK** [şarkyllatmak], *işl.* Şarkyldyly ses çykartmak, şarkyldyly seslendirmek. *Kesmikden boşan açmaňyz sygyrlar toýnaklaryny şarkyldadyp ondan-oňa hars urýarlar* (B. Kerbabaýew).

**ŞARKYLDAÝYŞ** [şarkyllaýyş], *iş ady.* Şarkyldamak ýagdaýy.

**ŞARKYLDY** [şarkylly], *at.* Demir, tagta zatlaryň biri-birine batly degmegi, ýere batly gaçmagy netijesinde döreýän sesiň ady. *Gapynyň şarkyldysy.*

**ŞARLAMA**, *iş ady.* Şarlamak ýagdaýy.

**ŞARLAMAK**, *işl.* Şarryldyly seslenmek, şarryldy döremek, şar-şar etmek (suw hakynda). *Obanyň ortasyndan geçýän ýapdan dury suw şarlap akýardy* (B. Gurbanow).

**ŞARLAMAKLYK,** *iş ady.* Şarlamak ýagdaýy.

**ŞARLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe ýerde şarlap akmak. *Suwlar akdy şarlaşyp, Dumly-duşdan sil turdy* (Ş. Kekilow). *Ýolda suwlar şarlaşyp, Akyp gelýär dereden* (A. Alamyşow).

**ŞARLATMAK,** *işl.* **1**. Şarryldyly ses çykardyp akdyrmak. *Suwy şarladyp akdyrmak.* **2**. Ýalan-ýaşyryk zady gürlemek. *Şarladyp ýörmek.*

**ŞARLAÝYŞ,** *iş ady.* Şarlamak ýagdaýy.

**ŞARLAWUK** [şarlowuk], *at.* **1**. Beýik ýerden bat bilen aşaklygyna gaýdýan suw akymy. **2**. Oba ady.

**ŞARŇYLDAMAK** [şarňyllamak], *işl.* **1**. Içi beýik, giň hem howaly bolmak. – *Bize şarňyldap duran jaýyň içinde oturmagam miýesser etjek eken.* **2**. Demir zatlar biri-birine degende, käbir gurallar işlände we ş.m. ýagdaýlarda şarňyldyly ses çykmak.

**ŞARŇYLDAŞMAK** [şarňyllaşmak], *işl.***1**. Köp zatdan şarňyldap ses çykmak. **2**. Köp jaýyň içi şarňyldap durmak. *Şarňyldaşyp duran otaglar.*

**ŞARŇYLDATMAK** [şarňyllatmak], *işl.* Şarňyldyly ses çykartmak, şarňyldyly seslendirmek.

**ŞARŇYLDAÝYŞ** [şarňyllaýyş], *iş ady.* Şarňyldamak ýagdaýy.

**ŞARŇYLDY** [şarňylly], *at.* Demir zatlar biri-birine degende, käbir gurallar işlände we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady. *Agaç kesýän maşynlaryň şarňyldysy, bu ýerde gije ümsümligini janlandyryjy owaz bolup durmuşa ornaşdy* (K. Berdiýew).

**ŞARP**, *s.ş.aňl.söz.* Birbada, bir gezek şapbat we ş.m. degende çykýan ses, şarpyldy.

**ŞARPA,** *hal.* Birden, duýdansyz, bada-bat. *Ol özüniň jöwher pyçagy, göze ilmez eli bilen her bir derdi ynsanyň bedeninden şarpa kesip ömürlik ýok edýär* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew).

**ŞARP-ŞARP,** *s.ş.aňl.söz.* Üznüksiz, yzygiderli şarpyldap çykýan ses, şarpyldy.

**ŞARP-ŞURP**, *hal, ser.* **Şart-şurt**.

**ŞARPYK** *at.* **1**. *ser.* **Şapbat 2**. *Oglanyň çekgesine bir şarpyk urdy, südürläp goýberdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Kötek, käýinç, temmi, urgy. *Birinji gezek degen şarpyk Pökgeniň janyna iňňän gaty degen bolmaga çemeli* (A. Gowşudow).

◊ **Şarpyk datmak (iýmek) 1)** urulmak. *Erigiň ýekeje şahasyny atdanlykda döwenim üçin, kakamdan şarpyk dadanym ýadymda* ("Edebiýat we sungat"). **2)** köteklenmek, käýelmek, temmi berilmek. **3)** azap görmek, görgi görmek, zulum çekmek. *Ýowuz urşuň şarpygyny dadanlar!* (B. Hudaýnazarow).

**ŞARPYLDAMA** [şarpyllama], *iş ady.* Şarpyldamak ýagdaýy.

**ŞARPYLDAMAK** [şarpyllamak], *işl.* **1**. Şarpyldyly ses çykmak, şarpyldyly seslenmek. *Iki sany duşman buzuň üstünden taýýan ýaly şarpyldap ýykyldy* (A. Durdyýew). **2**. Iriňläp ugran uly ýara, teniň pyçak kesen ýeri şarp-şarp edip gaty agyrmak. *Oraga kesdiren eli şarpyldap agyryp ugrady.*

**ŞARPYLDAMAKLYK** [şarpyllamaklyk], *iş ady.* Şarpyldamak ýagdaýy.

**ŞARPYLDAŞMAK** [şarpyllaşmak], *işl.* Köp ýerden şarpyldyly ses çykmak.

**ŞARPYLDATMAK** [şarpyllatmak], *işl.* Şarpyldyly ses çykartmak, şarpyldyly seslendirmek.

**ŞARPYLDY** [şarpylly], *at.* Bir zadyň bir ýere batly degmeginden, urulmagyndan, suwda batly hereket edilmeginden döreýän sesiň ady. *Gamçynyň şarpyldysy yzly-yzyna gaýtalanýardy* (B. Kerbabaýew).

**ŞARRYLDY** [şarrylly], *at.* Suwuň ýokardan güýçli dökülmegi, aşak batly inmegi, gurallaryň, enjamlaryň dowamly hereketi sebäpli döreýän sesiň ady. *Uzyn gije turbadan akýan suwuň şarryldysy kesilmedi.*

**ŞART**, *s.ş.aňl.söz.* Gaty agajyň döwülmegi, ýogyn ýüpüň üzülmegi netijesinde çykýan batly ses, şartyldy. *Şol arada şart bolup, guraksyrap duran bir towly ýüpüň üzülen sesi eşidildi* (A. Gowşudow).

**ŞARTA**, *hal.* Birden, bada-bat, çalasynlyk bilen (ýüpüň ýolnuşy, üzülişi hakynda). *Ýüpi şarta üzmek.*

**ŞART-ŞURT**, *hal, ser.* **Şark-şurk**.

**ŞARTYLDAMA** [şartyllama], *iş ady.* Şartyldamak ýagdaýy.

**ŞARTYLDAMAK** [şartyllamak], *işl.* Döwlen şahadan, üzülen ýogyn ýüpden şartyldyly ses çykmak. *Uly şaha miwesini göterip bilmän, şartyldap aşak gaýtdy.*

**ŞARTYLDAMAKLYK** [şartyllamaklyk], *iş ady.* Şartyldamak ýagdaýy.

**ŞARTYLDAŞMAK** [şartyllaşmak], *işl.* Birnäçe döwlen şaha, üzülen ýogyn ýüp şartyldamak.

**ŞARTYLDATMAK** [şartyllatmak], *işl.* Şartyldyly ses çykartmak. *Agajy şartyldadyp döwdüler.*

**ŞARTYLDAÝYŞ** [şartyllaýyş], *iş ady.* Şartyldamak ýagdaýy.

**ŞARTYLDY** [şartylly], *at.* Ýogyn ýüp üzülende, şaha döwlende we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady. *Agajyň uly şahasy şartyldap aşak gaýtdy.*

**ŞASUPA** [şa:supo], *at, k.d.* Daşarky gapynyň iki tarapynda ýa-da howlynyň, bagyň içinde oturmak üçin daşdan, palçykdan galdyrylan uly, giň seki. *Eý, Hemra jan, ýör serhowzuň başyndaky şasupalara tomaşa edeli* ("Saýatly – Hemra").

**ŞASUWAR** [şa:suwa:r], *at, k.d.* At çapmaga ökde. *Sen Şasenem, men şasuwar...* (Kemine).

**ŞAŞKA** [şa:şka], *at.* Küşt tagtasynyň üstünde tegelejik ak we gara çöp goýlup, belli bir düzgün boýunça oýnalýan oýun. *Şaşka oýny boýunça ýaryş geçirildi.*

**ŞAŞKAÇY** [şa:şkaçy], *at.* Şaşka oýnaýan oýunçy.

**ŞAT** [şa:t], *syp.* **1**. Keýpi kök, şadyýan, hoşal. *Bu obanyň daýhanlary biziň baranymyza çäksiz şat boldular* (N. Saryhanow). **2**. Abadan, bagtly, ajaýyp. *Şat watanyň halklary, ter gülüňden ysgaýar* (Ş. Kekilow).

**ŞATDADA-ŞATDA,** *hal.* Çalasynlyk bilen basalaşyp, biri-birini itekleşip, zomaşyp. *Hemmäňiz ýöne şatdada-şatda uruşýarsyňyz* (H. Derýaýew).

**ŞATDYLDAMAK** [şatdyllamak], *işl.* **1**. Döwülýärka şatdyldyly ses çykmak, şatdyldyly seslenmek. *Port sazaklar şemalyň zarbyna yzy üzülmän, şatdyldap döwülýärdi* (B. Seýtäkow). **2**. *gepl.d.* Pert-pert gürlemek, dogumly, gujurly hereket etmek. *Ol gyzjagaz maňa şatdyldap jogap berdi.*

**ŞATDYLDAŞMAK** [şatdyllaşmak], *işl.* Şatdyldyly sesler çykmak.

**ŞATDYLDATMAK** [şatdyllatmak], *işl.* Bir zady döwýärkä şatdyldyly ses çykarmak. *Ussa atagzy bilen simleri şatdyldadyp kesýär. Şatdyldadyp şänik döwmek.* Pert-pert gürlap jogap bermek, şatlatmak. *Ol gyzjagaz maňa şatdyldadyp jogap berdi.*

**ŞATDYLDAÝYŞ** [şatdyllaýyş], *iş ady.* Şatdyldamak ýagdaýy.

**ŞATDYLDY** [şatdylly], *at.* Gury agaç, tagta we ş. m zatlar ýananda ýa-da döwlende çykýan sesiň ady, şatyrdy. *Ýanýan töňňäň şatdyldysy eşidilýär.*

**ŞATEREŇ** /şa:tereň/, *at, ösüml.d., ser.* **Şaterne.** *Türkmenler yşgyn bilen şatereňiň köküni çaý deregine-de içýär ekenler* (N. Esenmyradow).

**ŞATERNE** /şa:terne/, *at, ösüml.d.* Gülälekler maşgalasyna degişli, boýy 5-30 sm. ýetýän gök baldaklary örän inçe we ýumşakdan näzijek ýaprajyklar bilen örtülen bir ýyllyk ot.

**ŞATÄRIM** [şa:tä:rim], *at.* Gara öýüň işik söýesiniň iki tarapyndan gelip birleşýän iki alynky tärim. *Şatärim işiksöýä ýüp arkaly baglanýar.*

**ŞATLAMA** [şatylama] **I**, *iş ady.* Şatlamak ýagdaýy.

**ŞATLAMA** [şatylama] **II**, *syp.* Doňduryp barýan çapgynly (sowuk, aýaz). *Garyň yz ýany bilen başlan şatlama aýaz gün ýazdyrmady* (H. Garabaýew).

**ŞATLAMAK** [şatylamak], *işl.* **1**. Şatdyldyly ses çykmak, şatdyldyly seslenmek, şat-şat etmek (agajyň şahasy döwlende, gaty agaç ýananda we ş.m. ýagdaýda çykýan ses hakynda). *Ýiti naýza salpy gulagy gyltyzyp geçdi, ýogyn pilçeden şatlap degdi* (G. Kulyýew). **2**. Güýçli aýaz, ýiti sowuk, doňaklyk bolmak. *Düýnki aýazda biziň golaýymyzdaky köljagaz şatlap doňupdyr.*

**ŞATLAMAKLYK** [şatylamaklyk], *iş ady.* Şatlamak ýagdaýy.

**ŞATLANDYRMAK** [şa:tlannyrmak], *işl.* Birini şat etmek, begendirmek, şadyýan etmek. *Garryny şatlandyrmak we oňa mynasyp bir sowgat taýýarlamak hakynda Myrat hem pikir edýärdi* (B. Seýtäkow).

**ŞATLANMA,** [şa:tlanma], *iş ady.* Şatlanmak ýagdaýy.

**ŞATLANMAK** [şa:tlanmak], *işl.* Şat bolmak, şadyýan bolmak, begenmek, guwanmak, keýpiň göterilmek.

**ŞATLANMAKLYK** [şa:tlanmaklyk], *iş ady.* Şatlanmak ýagdaýy.

**ŞATLANYŞ** [şa:tlanyş], *iş ady.* Şatlanmak ýagdaýy.

**ŞATLANYŞMAK** [şa:tlanyşmak], *işl.* Bilelikde şatlanmak, köpçülik bolup şatlanmak. *Olar oda baryp görseler, ynha, ýedi sany möjek palaw bişirip, begenip, şatlanyşyp oturanlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞATLATMAK** [şatylatmak], *işl.* **1**. Biriniň bedeniniň bir ýerine batly urmak. *Ol elini aýlap, onuň böwrüne şatladyp goýberdi*. **2**. *gepl.d.* Dessine pert-pert jogap bermek, şaňkyldatmak.

**ŞATLAWUK** [şatylowuk], *syp.* Örän güýçli sowuk. *Towşanjyk şatlawuk, teniňi kesip barýan aýazda-da arkaýyn gezýär.*

**ŞATLAÝYŞ** [şatylaýyş], *iş ady.* Şatlamak ýagdaýy.

**ŞATLYK** [şa:tlyk], *at.* **1**. Adamyň göwnüniň göterilen ýagdaýy, şadyýanlyk duýgusy, begenç, guwanç, şadyýanlyk. **2**. Üflenip çalynýan gadymy türkmen saz guraly (ol tut agajyndan içi köwlüp ýasalyp, üstünde bäş, aşagynda bir deşik edilýär, ujuna dilli tüýdügiň üfleneri müşdük hökmünde dakylýar) (*ser.* **Şadyýan 2**). **3**. Oglana dakylýan at. **4**. Ýer ady.

**ŞATLYKLY** [şa:tlykly], *syp.* Begençli, dabaraly, şadyýan, keýpli, guwançly.

**ŞATLYKLY-ŞAGALAŇLY** [şa:tlykly-şağalaňly], *syp.* Şadyýan, begençli, dabaraly, şowhunly. *Toý, diýseň, şatlykly-şagalaňly geçdi.*

**ŞATLYK-ŞAGALAŇ** [şa:tlyk-şağalaň], *at.* Şadyýanlykly, dabaraly, şatlyk-şowhunly, şatlyk-şüweleňli ýagdaý. *Toýda şatlyk-şagalaň asmana göterilýar.*

**ŞATLYK-ŞOWHUN** [şa:tlyk-şowhun], *at, ser.* **Şatlyk-şagalaň**. *Okuwçylar şatlyk-şowhunlary bilen köçäni dolduryp barýardylar* (A. Gowşudow).

**ŞATLYK-ŞÜWELEŇ** [şa:tlyk-şüwölöň], *at, ser.* **Şatlyk-şagalaň**. *Özboluşly ümsümligiň ýerini şatlyk-şüweleň gurşap aldy* ("Edebiýat we sungat").

**ŞAT-ŞAT**, *s.ş.aňl.söz.* Jaýryljak bolýan agaçdan we ş.m. yzly-yzyna çykýan sesler. *Ol haýwan özüne hüjüm edilendir öýdüp, ýyldyrym çaltlygy bilen beýleki tarapyna bökdi we özüne topulana gaýtawul bermek üçin dişlerini şat-şat edip gyjyrdatdy* (A. Gowşudow).

◊ **Şat-şat etmek** şatyrdamak, şatyrdyly ses çykarmak. *Ýaý berip ugran pürs birden şat-şat edip ugrady.*

**ŞATUT** [şa:tu:t], *at.* Ýasy ýaprakly uly tut agajy.

**ŞATY,** *at.* Kynçylykly agyr ýagdaý, jebir, sütem, görgi.

◊ **Şatyny görmedik** kyn ýagdaýy, görgini başdan geçirmedik. *Durmuş şatysyny görmedik heniz, Ýaňy ak-garany saýgarýan ýaş gyz* (A. Kekilow).

**ŞATYR,** *at.* **1**. Hökümdaryň, begiň, hanyň ýanyndaky hyzmatkäri. *Hemdem wezir gelip, Öweziň öňünden çykyp, atyny idip şatyr bolup gelýär* ("Görogly"). *Men özüm garry gulam, alnyňda bolsam şatyryň* ("Aly beg – Baly beg"). **2**. *syp.* Ähli işe çydamly, çeýe. *Şatyr oglan.*

**ŞATYRDAMA**, *iş ady.* Şatyrdamak ýagdaýy.

**ŞATYRDAMAK**, *işl.* Şatyrdyly ses çykmak, şatyrdyly seslenmek, şat-şat etmek. *Öý çaýkanýardy, uklar şatyrdaýardy* (B. Kerbabaýew).

**ŞATYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Şatyrdamak ýagdaýy.

**ŞATYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat bir wagtyň özünde şatyrdyly seslenmek.

**ŞATYRDATMAK**, *işl.* Şatyrdamak katdyna ýetirmek, şatyrdyly seslendirmek. *Ýel garaja öýi şatyrdadyp, çaýkap başlady* (B. Kerbabaýew).

**ŞATYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Şatyrdamak ýagdaýy.

**ŞATYRDY,** *at.* Agaç döwlende, gaty yrgyldanda, otda ýananda we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady. *Ol ilkinji sürüme başlajak bolup durka, öň ýanynda, bugdaýyň içinde bir şatyrdy sesi peýda boldy* (A. Durdyýew).

**ŞATYRDYLY**, *syp.* Şatyrdysy bar bolan. *Şatyrdyly ses.*

**ŞATYR-ŞALLAK**, *syp.* Elem-tas, baş açyk, aýak ýalaň. *Saçyňy sallap, gowaçaň içinde şatyr-şallak ylgap ýörmek isleýärmiň?* (A. Durdyýew).

**ŞATYR-ŞUTUR**, *hal.* Derrew, dessine, şart-şurt. *Ol şatyr-şutur gazan atardy.*

**ŞAÝ I**, *at.* **1**. Dakynmak üçin gymmat bahaly metaldan ýasalan her hili bezeg önümleri. *Watan üçin sarp bolsun, Meniň bezegim, şaýym* (A. Nyýazow). **2**. Bir zat üçin gerekli bolan enjamlar, gurallar; goşlar, zatlar. *Soňra künde, boýunturuk, ýerdemir, mala hem-de beýleki şaýlary howlynyň ortasyna çykaryp, birlaý elden geçirdiler* (B. Seýtäkow). **3**. Maşynyň, mehanizmiň, guralyň gerekli bölegi. *Gerek şaýlary tapylsa, ony gurnaşdyrsa-da bolardy* (H. Garabaýew).

◊ **Şaýyňy tutmak** bir işi etmek üçin taýýarlanmak, bir zada taýýarlyk görmek; goş-golamyňy jemlemek. – *Basymrak şaýyňy tut, men seni alyp gitmäge geldim – diýdim* (T. Gurbanow).

**ŞAÝ II**, *at, gepl.d., ser.* **Şaýy**.

**ŞAÝAT** [şa:ýa:t], *at.* Bir wakany, ýagdaýy gözi bilen gören, eşiden, gerek bolanda şaýatlyk edýän adam. *Men şol ýerde ýeke däldim, meniň ýedi sany şaýadym bar* (A. Gowşudow).

**ŞAÝATLAŞMAK** [şa:ýa:tlaşmak], *işl.* Jedelde, dawada, şaýat gözleşmek, şaýat tutuşmak. *Meniň pikirimçe, bu arada dawalaşyp, şaýatlaşyp ýörer ýaly zat ýok* (A. Gowşudow).

**ŞAÝATLYK** [şa:ýa:tlyk], *at.* Şaýat bolmaklyk.

◊ **Şaýatlyk etmek** şaýat bolmaklyk, şaýat bolmak, tassyklamak.

**ŞAÝATNAMA** [şa:ýa:tna:ma], *at.* Bir ýagdaýy, wakany we ş.m. tassyklamak üçin ýazylan hat.

**ŞAÝLAMA**, *iş ady.* Şaýlamak ýagdaýy.

**ŞAÝLAMAK**, *işl.* **1**. Şaý dakmak, şaý bilen bezemek. *Kerpiç-kerpiç dogabaglar bilen atyň tä gulagyna çenli şaýlapdyr* (B. Kerbabaýew). **2**. Şaýyny tutmak, taýýarlamak, gerekli zat bilen üpjün etmek. *Azygyň şaýla bu başda, Ýol uzakdyr, tut serişde* (Zelili). *Şat hoşlaşyp, gujaklaşyp, Ony ýola şaýlaýar* (R. Seýidow).

**ŞAÝLAMAKLYK**, *iş ady.* Şaýlamak ýagdaýy.

**ŞAÝLANMAK**, *işl.* **1**. Şaý dakynyp bezenmek. *Aýlar gelýär aýlanyp, Gyzlar gelýär şaýlanyp* (Halk döredijiliginden). **2**. Ugramak üçin ýol şaýyňy tutmak. *Hoş gal munda, hoş gal, gözel Aşgabat, Ogullaryň bu gün ýola şaýlandy* (M. Seýidow).

**ŞAÝLATMAK**, *işl.* Gerekli şaý-sep bilen üpjün etdirmek.

**ŞAÝOL** [şa:ýo:l], *at.* Uly, giň, göni hem esasy ýol. *Gün dogaly bäri gaýraky şaýoluň gatnawy kesilmeýärdi* (B. Seýtäkow). *Garaşsyzlyk şaýoly. Magtymguly şaýoly. Bitaraplyk şaýoly. Görogly şaýoly.*

**ŞAÝRATMAK,** *işl.* Ýaramaz ýola düşmek, erbet gezmek. *Şaýradyp ýörmek.*

**ŞAÝ-SEP**, *at.* **1**. Durmuşa çykýan gyza berilýän zatlar, bukja, öý goşy. *Gelniniň şaý-sepinden garrynyň göwni hoş boldy* (A. Gowşudow). **2**. Gymmat bahaly metaldan ýasalan bezegler, şaýlar.

**ŞAÝY**, *at.* **1**. *kön.s.* Agramy 0,75 grama deň bolan kümüş pul. *Ýüz tümenlik sözüň şaýa almazlar, Her kişiniň ygtybary bolmasa* (Magtymguly). **2**. Gymmaty bäş köpüge barabar bolan metal pul. *Akly kämil bolan pendimi tutar, Akmaklar göwherin bir şaýa satar* (Hatam şahyr). *Almaly algymy bir şaýy galdyrman aldym diýip ýaz* (A. Gowşudow). *Üçlügini, manadyny, Şaýysyny, köpügni – Artdyranja puljagazyn Atdy şonuň içine* (K. Gurbannepesow).

◊ **Bäş şaýy edinmek (gazanmak)** az-kem pul toplamak, ýygnamak. *Onuň bar arzuwy bäş şaýy edinmekdi.* **Gara şaýa degenok** hiç zada ýaranok; beren puluň köp, ýaramaz (hili pes zat hakda). **Gara şaýy** bäş köpük (*ser.* **Köpük II**). **Iki şaýy** on köpük. **On şaýy** elliköpük. **Üç şaýy** on bäş köpük.

**ŞAÝYLYK,** *at.* Bäş köpüklik metal pul. *Şeýle şaýylyklar bir syhly gabat gelip dur* ("Edebiýat we sungat").

**ŞAZADA** [şa:za:da], *at.* **1**. Şanyň nesli, patyşanyň ogly. *Onuň adyna şazada Mahmyt han goýdular* ("Asly – Kerem"). **2**. Adam ady.

**ŞE** [şe:], Türkmen milli elipbiýiniň "Ş" harpynyň ady.

**ŞEHIT** [şehi:t], *at.* **1**. Hak işiň ugrunda gurban bolan adam. **2**. Öz ajalyna ölmedik adam (ýer titremesinde, çölde suwsuzlykdan we ş.m. pajygaly ýagdaýlarda heläk bolan).

**ŞEHITLIK** [şehi:tlik], *at.* Şehit bolmaklyk.

**ŞEJER**, *at, k.d.* Agaç, daragt. *Nowruz ötdi, pasly-bahar ýetişdi, şejerler gögermiş ýaz seni gözlär* ("Saýatly – Hemra"). *Şejer miweden owwal görkezer gül* (Sopy Allaýar).

**ŞEJERE**, *at.* **1**. Ata-baba nesli; nesil daragty. **2**. Bir urugyň nesilleriniň garyndaşlyk aragatnaşygynyň

yzygiderligini beýan edýän hasap ýazgysy. *Hany, sen ol türkmen taryhynyň şejeresini nätdiň?* (B. Kerbabaýew).

**ŞEK**, *at.* **1**. Birine ýa-da bir zada bolan şübhe, müňkürlik, şek-şübhe. **2**. Birine ýöňkelýän günä, garalyk, şyltak, töhmet. *Meniň özümçe bar-ýoklar maňa şek getirjek bolsa, onda men beýle mejlise goşulmak islämok* (B. Kerbabaýew).

◊ **Şek ýetirmek** zyýan etmek, zelel getirmek, gara ýokdurmak, mertebesini peseltmek.

**ŞEKER**, *at.* **1**. Gant şugundyryndan, şekerçiňrikden alynýan ýokumly, süýji önüm. **2**. *göç.m.* Lezzetli, şirin, süýji. *Lebi şeker, agzy gunça, Ol zülpi tardan aýryldym* (Magtymguly). *Aýt, haýsy bagyň bezegi bolup, Haýsy çeşmäň şeker suwundan içdiň* (M. Seýidow).

**ŞEKERÇIŇRIK,** *at.* Palajynyň şiresinden şeker alynýan ösümlik. *Birden ýoluň iki tarapyny hem ösgün şekerçiňrik tutýar* (S. Ataýew).

**ŞEKEREK,** *at,* Üzüm, igde ýaly käbir ir-iýmişleriň owunjak süýji görnüşi.

**ŞEKERLI,** *syp.* Düzüminde şeker bolan; şeker goşulan, şeker garylan. *Şekerli köke.*

**ŞEKIL,** *at.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň suraty. *Hala Magtymgulynyň şekili çitilipdir.* **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň meňzedilip ýasalan görnüşi, nusgasy. *Ol palçyklardan atlaryň şekillerini ýasaýarlar* (B. Seýtäkow).

**ŞEKILJIK**, *at.* Kiçi şekil.

**ŞEKILLENDIRILMEK** [şekillennirilmek], *işl.* Biriniň, bir zadyň daş görnüşi, sypaty suratlandyrylmak.

**ŞEKILLENDIRIŞ** [şekillenniriş], *iş ady.* Şekillendirmek ýagdaýy.

◊ **Şekillendiriş sungaty** heýkelçilik, suratkeşlik, çeper suratlandyryş sungatynyň umumy ady. *Türkmenistanyň Milli muzeýinde şekillendiriş sungatynyň ähli görnüşine degişli işler bar.*

**ŞEKILLENDIRME** [şekillennirme], *iş ady.* Şekillendirmek ýagdaýy.

**ŞEKILLENDIRMEK** [şekillennirmek], *işl.* Şekillendiriş sungaty esasynda suratlandyrmak. *Halkyň deňiz ýaly giň çylşyrymly durmuşyndan bölekleri şekillendirip, gözüniň öňüne getirýärdi* (A. Gowşudow).

**ŞEKILLENDIRMEKLIK** [şekillennirmeklik], *iş ady.* Şekillendirmek ýagdaýy.

**ŞEKILLENIŞ**, *iş ady.* Şekillenmek ýagdaýy.

**ŞEKILLENME**, *iş ady.* Şekillenmek ýagdaýy.

**ŞEKILLENMEK**, *işl.* Suratlanmak, belli bir sypatda, şekilde görkezilmek, belli bir şekile girmek. *Olaryň göwreleri salgym bolup boýdan-başa şekillenýärdi* (A. Gowşudow).

**ŞEKILLENMEKLIK**, *iş ady.* Şekillenmek ýagdaýy.

**ŞEKILLI I**, *syp.* Owadan, görnükli, görmegeý, ýşnakly. *Şekilli maşgala.*

**ŞEKILLI II,** "Ýaly, kimin, dek, görnüşli" diýen ýaly many aňladýan sözsoňy kömekçi. *Dokmaçylar hiç zat ýok ýerden egren şekilli bolup başlapdyrlar, soň olary ýüwürdişdirip bolupdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞEKILLILIK**, *at.* Owadanlyk, görnüklilik, görmegeýlik, ýşnaklylyk. *Ahalteke atynyň şekilliligi görenleri haýran galdyrýar.*

**ŞEKILSIZ**, *syp., gepl.d.* Gelşiksiz, betgelşik.

**ŞEKLI**, *syp.* Şeki bar, şeksiz däl, şübheli. *Seniň şekli, şübheli zadyň maňa gerek däl.*

**ŞEKLILIK**, *at.* Şeki barlyk, seksiz dällik, şübhelilik.

**ŞEKSIZ**, *syp.* Şeki ýok, şekli däl, hiç bir şeki bolmadyk. *Şeksiz öle sen – diýdi, bir gaýry watan iste* (Mollanepes). *Olar şeksiz özbaşyna bir kitap bolup biler* (A. Salyh).

**ŞEKSIZLIK**, *at.* Şeki ýokluk, şekli dällik, hiç bir şeki bolmadyk.

**ŞEK-ŞÜBHE** [şek-şüvhö], *at, ser.* **Şek**.

**ŞEL**, *at.* **1**. Bedeniň bir agzasyny hereketden mahrum edýän kesel, ysmaz. **2**. Şol kesel bilen kesellän adam. *Ýşkyňda daglar gazaýyn, Bolmasam şel, jigi-jigi* (Seýdi).

**ŞELAÝYN** [şela:ýyn], *syp.* Sypaýydan süýji sözli.

**ŞELAÝYNLYK** [şela:ýynlyk], *syp.* Mylaýymdan süýji sözlülik. *Permanyň gaharyny, öýkesini ýazmak üçin hemişeki şelaýynlygyna tutup başlady* (A. Gowşudow).

**ŞELPE I**, *at.* **1**. *zergärç.* Türkmen aýal-gyzlarynyň dakynýan käbir kümüş, gyzyl şaýlarynyň aşak etegindäki inçe uçly, ýokarsy gulply, ýüzi güberçekli şaý. *Egnine dökülip şelpe gotazlar, Gyzyl gupba ýalpyldaýar başynda* (B. Kerbabaýew). **2**. Hala we beýleki el işlerine salynýan şelpe görnüşli nagyş.

**ŞELPE II**, *at.* Saz çalnanda dutarda sag elde ýerine ýetirilýän tilsim. *Gözlerini süzübräk başardygyndan şelpe kakýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ŞEM**, *at.* **1**. Ýagly jisimden taýajyk şekilinde ýasalan, içi ýüplük pelteli, ýagtylyk beriji enjam. *...Dölänin bir ýan gapdalynda şem ýanyp durdy* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d., ser.* **Şemme**.

**ŞEMAL** [şema:l], *at.* Çalaja öwüsýän ýel, öwüsgin. *Akar suwuň boýy bilen gelýän şemal bir durkuny saklaýardy* (B. Soltannyýazow).

◊ **Şemal çalmak** howa täzelenmek, şemallamak, ýelejiremek, şemal degmek. *Gije uky gelmedi hiç gözlere, daň şemaly çaldy güler ýüzlere* (A. Kekilow). **Şemal kakmak (çalmak)** sowuk urmak, sowuk urup syrkawlamak, dümewlemek. *Belki, ýolda şemal çalandyr.*

**ŞEMALLAMA** [şema:llama], *iş ady.* Şemallamak ýagdaýy.

**ŞEMALLAMAK** [şema:llamak], *işl.* **1**. Howa çykmak, tämiz howadan dem almak, ýelejiremek. *Galaň burçuna çykyp, bir şemallaýan, soň öýümize gelýärin* (A. Gowşudow). **2**. Howa täzelenmek, şemal çalmak. *Poluň aşagy şemallar ýaly diýlip, tamyň düýbünde deşik goýulýar.*

**ŞEMALLAMAKLYK** [şema:llamaklyk], *iş ady.* Şemallamak ýagdaýy.

**ŞEMALLATMAK** [şema:llatmak], *işl.* **1**. Bir zady ýelejiretmek, şemally ýerde goýmak, howaly ýere çykarmak. *Seniň geýimleriňi şemallatmak üçin daşaryk çykardym* (N. Pomma). **2**. Howasyny täzelemek, şemal çaldyrmak, ýelejiretmek . *Içerini şemallatmak.*

**ŞEMALLAÝYŞ** [şema:llaýyş], *iş ady.* Şemallamak ýagdaýy.

**ŞEMDAN** [şemda:n], *at.* Şem goýulýan, oturdylýan gap. *Ýadygäriň degresinde, Lowurdap dur sekiz şemdan* (K. Gurbannepesow).

**ŞEMHAL** [şemha:l], *at.* Agzyndan ok salnyp, gapdalyndan pelte bilen ot berlip atylýan aýakly, uzak aralyga atýan gadymy tüpeň. *Oglan derrew baryp, ýaňky atyň birine münüp, şemhaly boýnundan asyp, gylyjy biline baglady* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞEMHALÇY** [şemha:lçy], *at.* Şemhal atýan adam. *Bu sözi aýdandan soň: "Bu zaňňara hiç zat kär etmändir" diýip, şemhalçylar dagyň aňyrsyndan gaçyp, hol gitdiler* ("Görogly").

**ŞEMME**, *at.* Demlenen çäýnegiň düýbünde galýan çaý ýapraklary, şem. *Kän durmaga sabry ýokdur, Şemmesini ýakar gök çaý* (K. Gurbannepesow).

**ŞEMPA** [şempa:], *at.* **1**. Sap ak goýun derisinden tikilýän owadan ak telpek. *Onuň başynda şempa telpegi bar.* **2**. Inçe uzyn tüwi. *Her dänesi böwrek dek, özem şempa tüwsinden, Saýlap-saýlap dogradyk käşirleriň gowsundan* (M. Seýidow).

**ŞEMSI**: **şemsi ýyl hasaby:** Günüň dogýan we ýaşýan wagty boýunça ýöredilýän ýyl hasaby (*ser.* **Hijiri: hijiri-şemsi**).

**ŞEMŞAT** [şemşa:t], *at.* **1.** Günorta ýurtlarda ösýän, örän berk, hemişe gök salyp duran agaç. *Haý-haý, boýuň tubydyr, kaddyň şemşada meňzär, Zyba-näzik boýlaryň müşgül gülşada meňzär* (Talyby). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Şemşat ýaly** gelşikli, enaýy, görnükli, eýjejik.

**ŞEMŞIR** [şemşi:r], *at, k.d.* Gylyç. *Tug göterip kyldyň söweş, Gol urup sen şemşire* (Magtymguly). *Şu meýdanda boýnuňyza şemşiri, Uraryn sizleri, urmasam bolmaz* (Şabende).

**ŞENBE** [şemme], *at.* Hepdäniň altynjy gününiň ady.

**ŞEPAGAT** [şepa:ğat], *at.* Rehim, mähir, duýgudaşlyk.

◊ **Şepagat uýasy** bejeriş edaralarynda orta düzüme degişli lukmançylyk işgäri.

**ŞEPAGATLY** [şepa:ğatly], *syp.* Rehim-şepagaty bar, mähirli, rehimli, rehimdar.

**ŞEPAGATLYLYK** [şepa:ğatlylyk], *at.* Rehim-şepagaty barlyk, şepagatly bolmaklyk.

**ŞEPAGATSYZ** [şepa:ğassyz], *syp.* Rehim-şepagaty ýok.

**ŞEPAGATSYZLYK** [şepa:ğassyzlyk], *at.* Rehim-şepagaty ýokluk, şepagatly dällik, şepagatsyz bolmaklyk.

**ŞEPBEŞIK**, *syp.* Ýelmeşip, şepbeşip, süýgüp duran, ýelmeşegen. *Heniz onuň biri-birine ýelmeşen şepbeşik gaýmaklary hem gatamandyr* (B. Kerbabaýew).

**ŞEPBEŞIŞ**, *iş ady.* Şepbeşmek ýagdaýy.

**ŞEPBEŞME**, *iş ady.* Şepbeşmek ýagdaýy.

**ŞEPBEŞMEK**, *işl.* Ýelmeşmek, ýapyşmak, ýelmeşip, süýgüp durmak. *Düýbündäki şepbeşip duran mele ýaglar günüň howruna şypyljap, biraz aşaklygyna syrykdy* (N. Baýramow).

**ŞEPBEŞMEKLIK**, *iş ady.* Şepbeşmek ýagdaýy.

**ŞEPBIK**, *at.* **1**. Käbir miweli agaçlaryň (şetdaly, erik, garaly we ş.m.) gabygyna şikes ýetende ýa-da olar kesellände peýda bolýan sarymtyl, goňrumtyl, garamtyl reňkli ýelmeşegen madda. *Erik agaçlarynda şepbik köp bolýar.* **2**. Ýelmeşýän madda, şepbeşik. *Ir-iýmiş ýygnamak bilen elleri şire, şepbik bolup duran adamlar degşip gülüşýärdiler* (A. Gowşudow).

**ŞEPBIKLEME**, *iş ady.* Şepbiklemek ýagdaýy.

**ŞEPBIKLEMEK**, *işl.* Şepbik çykmak, şepbik emele gelmek, tutmak. *Erik agajy şepbikläpdir.*

**ŞEPBIKLEMEKLIK**, *iş ady.* Şepbiklemek ýagdaýy.

**ŞEPBIKLEÝIŞ**, *iş ady.* Şepbiklemek ýagdaýy.

**ŞEPE**, *at, gepl.d.* **1**. Ýaş erkek adamyň bile tirkeşýän ýakyn ýoldaşy. **2**. "Dost, ýoldaş, halypa, gardaş" diýen manyda erkek adamlara degişlilikde ulanylýan söz. *Bu akgaýma tahýajygy, Neneň görýäň, Taýmaz şepe* (K. Gurbannepesow).

**ŞER**, *at.* **1**. Haýyrly bolmadyk, haýyrsyz iş. *Agşamyň haýryndan ertiriň şeri* (Nakyl). *Namart haýyr işigin açmaz, Muhannes şer işden gaçmaz* ("Görogly"). **2**. Dawa, jenjel, dawa-jenjel, galmagal, goh-galmagal. *Şer bolsa, gözüň açylaýýar öýdýän.*

◊ **Şer aramak** yrsaramak, dawa-jenjel gözlemek.

**ŞERAP** [şera:p], *at.* Köplenç, üzüm ajadylandan soň sykylyp arassa suwy alnyp ýasalan içgi, çakyr. *Şerabyň azy däri, köpi – öt* (Nakyl).

**ŞERAPAT** [şera:pat], *at, k.d.* **1**. Abraý, hormat; mertebe, dereje. *Ýagşydan – şerapat, ýamandan – kesapat* (Nakyl). *Ylmyň şerapaty – kelamyň haky, Gören barmy, bilen barmy ýaranlar* (Şabende). **2**. Gyza dakylýan at.

**ŞERBET** [şervet], *at.* Miwäniň suwundan, şiresinden, şekerden, gantdan gaýnadylyp taýýarlanylýan içgi. *Otar idim seni bagyň gülünden, Suwlar idim seni şerbet balyndan* ("Görogly").

**ŞERÇI**, *at. ser.* **Şermende 1**. Şer etmegi gowy görýän (adam). **2**. *ser.* **Şermende 2**.

**ŞEREBE** [şereve], *at.* Köp duz atylan, aşa duzly suw. *Gijäp çydatmaýan bolsa şerebe çalaýsak näderkä?* (N. Pomma).

◊ **Şerebäňi pürkmek** göwne deger ýaly ajy, ýakymsyz söz aýtmak, duzlamak. *Ajysy bolmadygyň süýjüsi bolmajagy-da dogry weli, çem gelene jabjynyp, şerebäňi pürkmek adamçylykdan däl ahyry* (B. Kerbabaýew).

**ŞEREBELEME** [şereveleme], *iş ady.* Şerebelemek ýagdaýy.

**ŞEREBELEMEK** [şerevelemek], *işl.* **1**. Şerebe çalmak, şerebä ýatyrmak. **2**. *göç.m.* Göwne deger ýaly ajy, ýakymsyz söz aýtmak. *Eýsem-de bolsa,*

*birnäçe günläp biri-biriňden ýüzüňi sowuşmak, gepleşmezlik-ýaşaýyş lezzetini şerebeleýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞEREBELEMEKLIK** [şerevelemeklik], *iş ady.* Şerebelemek derejesi.

**ŞEREBELENIŞ** [şereveleniş], *iş ady.* Şerebelenmek ýagdaýy.

**ŞEREBELENMEK** [şerevelenmek], *işl.* Şerebä ýatyrylmak, şerebe çalynmak.

**ŞEREBELETMEK** [şereveletmek], *işl.* Şerebä ýatyrtmak, şerebede goýdurmak.

**ŞEREBELI** [şereveli], *syp.* **1**. Duzly, şor, şerebe garylan. *Şerebeli noýba.* **2**. *göç.m.* Göwne deger ýaly ajy, ýakymsyz. *Şerebeli söz.*

**ŞEREKET**, *at.* Deň hukukly gatnaşyjylardan düzülýän bileleşik, birleşik. *Önümçilik şereketi.*

**ŞERH**, *at, k.d.* Many, düşündiriş, beýan. *Magtymguly, sözüm gysga, şerhi köp* (Magtymguly).

**ŞERIGAT** [şeri:ğat], *at.* Yslam dininiň kada-kanunlarynyň jemi.

**ŞERIM**, *at.* Utanç, haýa. *Şerim etmez sen, uýat gelmez ýüzüňe, Hemme zatdan ýek görüner gözüňe* (Zelili).

**ŞERIMSIZ**, *syp.* Utançsyz, haýasyz, bihaýa.

**ŞERIMSIZLIK**, *at.* Utançsyzlyk, bihaýalyk. *Haýasyzlyk, şerimsizlik – geline, Oral garry aýal töre ýaraşmaz* (Zelili).

**ŞERIM-HAÝA** [şerim-haýa:], *ser.* **Şerim**. *Gözeliň bolmasa şerim-haýasy, Gurasyn didary, ýitsin garasy* (Misgingylyç).

**ŞERMENDE** [şermenne] **I**, *at.* Ujypsyz zat üçin haýýarlyk edýän, şerraýlyk edýän, nadaralyk edýän adam. *Onuň şermendedigini, çala eliňi degirseň: "Waý, öldürdi" diýip gygyryp dur. Şermende-ahyry galar armanda* (Nakyl). *Şermendäniň şaýady ýanynda* (Nakyl). *Seniň nämäň artyk ötenleriňden, Şertin bozan, eý şermende, pis duşman* (A. Kekilow).

**ŞERMENDE** [şermenne] **II**, *syp.* Okamagy hem ýazmagy bilmeýän, sowatsyz, gömük. *Elipden şermende.*

**ŞERMENDELIK** [şermennelik], *at.* Şermendä mahsus bolan gylyk-häsiýet, şermende bolmaklyk, şerraýlyk, haýasyzlyk, haýýarlyk. *Gygyryp, daşdan delalat islemegi-de Uzuk özüne şermendelik bildi* (H. Derýaýew).

**ŞERMISAR** [şermisa:r], *syp., k.d.* Masgara, ýüzügara, müýnli, utançly. *Allamyň gazaby düşdi başyma, Meniň dek hiç kişi şermisar bolmaz* ("Saýatly – Hemra"). *Kim dargatsa akyl bile huşuny, eder işin bilmez şermisar bolar* (Magtymguly).

**ŞERRAÝ** [şerra:ý], *syp., ser.* **Şermende I**.

**ŞERRAÝÇYLYK** [şerra:ýçylyk], *at, ser.* **Şerraýlyk.** *Uzuk şeýle agyrlyk astynda galan bolsa-da, bihuda, peýdasyz ýere şerraýlyk edip gygyrman, ýuwaş sesi bilen perýat etdi* (H. Derýaýew).

**ŞERRAÝLYK** [şerra:ýlyk], *at, ser.* **Şermendelik**. *– Siz meni öýümde-de goýjak dälmi?– diýip, ol şerraýlyga tutdy.*

**ŞERT**, *at.* **1**. Durmuşyň, işiň bir ýa-da beýleki ugry boýunça bellenen, bir zadyň kadaly işlemegini üpjün edýän ýagdaý. **2**. Iki tarapyň gepleşikli, ylalaşykly ortada goýýan wadasy, talaby. **3**. Berlen wada, söz, edilen äht, kasam. *Günlerde bir gün Şasenem bilen Garyp ikisi şert etdiler* ("Şasenem – Garyp"). **4**. Bir zadyň bolup geçmegi üçin mümkinçilik ýagdaýy.

◊ **Şertim şahyma etmek** sözüňde durmazlyk, ähtiňi bozmaklyk, wadada tapylmazlyk. *Men şertim şahyma edip, ýene-de dolanyp gelendirin* ("Edebiýat we sungat").

**ŞERTLENDIRILMEK** [şertlennirilmek], *işl.* Şert goýlan, şert esasynda ýerine ýetirilmeli edilen.

**ŞERTLENDIRMEK** [şertlennirmek], *işl.* Şert döretmek, şert goýmak.

**ŞERTLEŞIKLI**, *syp., ser.* **Şertli**.

**ŞERTLEŞILMEK**, *işl.* Özara şert edilmek, wadalaşylmak. *Ol şertleşilen sagatda duşuşyk ýerine geldi.*

**ŞERTLEŞIŞ,** *iş ady.* Şertleşmek ýagdaýy.

**ŞERTLEŞME**, *iş ady.* Şertleşmek ýagdaýy.

**ŞERTLEŞMEK**, *işl.* Bir işi, meseläni ýerine ýetirmek, çözmek, amala aşyrmak üçin özara şert edişmek, wadalaşmak. *Dowul turuzmaly däl diýip, öňden şertleşipdik ahyry* (N. Jumaýew).

**ŞERTLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Şertleşmek ýagdaýy.

**ŞERTLEÝIN**, *syp.* Belli şerte daýanýan, şerte bagly.

**ŞERTLI**, *syp.* Öňünden şert edişilen we şertiň nämeden ybaratdygyny bilýän üçin düşnükli. *Şertli gysgaltma. Şertli* dil (mysal üçin, *esperanto dili*). *Şertli belgi.*

**ŞERTNAMA** [şertna:ma], *at.* Iki taraplaýyn ýa-da köp taraplaýyn borçnamalar hakda, esasan, hat üsti bilen baglaşylýan ylalaşyk.

**ŞEŞMER**, *at, k.d.* Gamçy. *Ineriň ýagyrnysyna şeşmer bilen bir gondursam, inerem boýnuňy üzüp gidýä seniň* ("Görogly").

**ŞEŞPER**, *at, kön.s.* Ujy diş-diş tommaýly, gysga sapy gol gaýyşly, demirden edilen sowuk ýarag. *Şeşper aýdar meniň işim, On iki paradyr başym* ("Görogly").

**ŞETDALY** [şetda:ly], *at.* **1**. Bägül güllüler maşgalasyndan bolan miweli agaç. **2**. Şol agajyň şänikli, etlek, iri, süýji miwesi. **3**. Şetdaly miwesinden gaýnadylan. *Şetdaly mürepbesi.*

**ŞETDALYGÜL** [şetda:lyğül], *at.* Şetdalynyň gülüne meňzedilip, el işlerine salynýan nagyş. *Menem sary keteniden "şetdalygül" nagyşly çyrpy edindim* (A. Gowşudow).

**ŞETDAT** [şetda:t], *at.* Kese agajyň gyrasyna berkidilip, agzyna işlenýän, ýasalýan önüm gysdyrylyp berkidilýän enjam, şetdat.

◊ **Şetdat ýaly** ykjam; düşbi. *Bahar şetdat ýaly gyz.*

**ŞETDE,** *kön.s.* Dutaryň birinji, üçünji we soňky başaşa perdeleriniň ady.

**ŞEÝDA** [şeýda:], *at, k.d.* Yşga düşen, söýgi ugrunda akylyny aldyran aşyk. *Jahan doly, sen gapyl sen ýaryňdan, Ýa mestmi sen, ýa şeýdamyň, näme*

*sen?* (Magtymguly). *Gülüň ysyn şeýda bilbil bilmese, Garga pahyr bilsin ony nireden?* (M. Seýidow).

**ŞEÝDIP**, *hal.* Şunuň ýaly görnüşde. *Ýaşuly agtygyna ýerin depilişini görkezip: "Indi senem şeýdip depiber" diýdi.*

**ŞEÝDIŞ**, *iş ady.* Şeýtmek ýagdaýy. *Ol seniň şeýdişiňi ýadyndan çykarmasa gerek.*

**ŞEÝDIŞMEK**, *işl., gepl.d., ser.* Birnäçe bolup şeýdip ýörmek, durmak. *Olar indi şeýdişip selkildeşip ýörmelimikä?*

**ŞEÝHINLI: şeýhinli terezi** leňňerli terezi. *Söwdagäriň ogly eýýäm şeýhinli terezisini gurup ýatyr* (B. Kerbabaýew).

**ŞEÝKEL**, *syp.* Kyn, kynçylykly; ýaramaz, pes; hata. *Işiň şeýkel bolsa, wagtyň hoş bolanok* (B. Kerbabaýew).

**ŞEÝKELLIK**, *at.* Kynçylykly ýagdaý, şeýkel bolmaklyk. *Umuman, şu şeýkelligiň özi bäş günden artyk wagt alar öýdemok* (B. Kerbabaýew).

**ŞEÝLE**, *çal.* **1**. Şonuň ýaly, şuňa meňzeş, şu hili. **2**. Hiç bir maksatsyz, ýöne. *Ol bu suraty şeýle çekäýipdir.* **3**. Soňundan *-de* baglaýjysy goşulanda şeýle manyda ulanylýar: *şonsuz hem, bolmanda-da, ýöne-de. Sen maňa azar berme, men şeýle-de aljyraýaryn.*

◊ **Şeýle bir** örän, gaty, juda. *Bu gawun şeýle bir süýji eken.*

**ŞEÝLEKIN** [şeýleki:n], *syp., gepl.d.* Diýseň, örän, şeýle bir. *Şeýlekin gowy zat eken.*

**ŞEÝLELIKDE**, *giriş s.* Şunuň ýaly, şeýlelik bilen, şunuň netijesinde, netijede. *Şeýlelikde, bäş-alty aýyň içinde özüň bir çekeneli adam bolarsyň* (H. Derýaýew).

**ŞEÝTAN** [şeýta:n], *at.* **1**. Adamlary aldap, azdyryp, ters ýola salýan hyýaly jandar, iblis, melgun. *Nebse uýma, şeýtan raýyna gitme, Gyjalata goýar, bilgil bu işi* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Aldawçy, mekir, hilegär; ýeser. *Emma ony towlaýan bir ala şeýtan bar* (A. Gowşudow).

◊ **Şeýtana sapak beren** örän hilegär, mekir, köp bilmiş. **Şeýtan deşikler** *sazç.* dutaryň owazynyň dury we ýakymly çykmagy üçin gapagynyň ýüzünden edilýän owunjak deşikler. **Şeýtan eşegi** *sazç.* dutaryň gulagy bilen şeýtan perde aralygynda goýulýan eşek. **Şeýtan herrik** dutaryň kirişlerini kädä birikdirmek üçin goýlan enjam. **Şeýtan perde** *sazç.* dutaryň iň ýokarky perdesi. **Şeýtanyň şägirdi** dogrusyny aýtmaýan kezzap, ýalançy.

**ŞEÝTANLYK** [şeýta:nlyk], *at.* Aldawçylyk, mekirlik, hilegärlik, melgunlyk. *Ol şeýtanlyk bilen garaýardy.*

**ŞEÝTANÝASSYK** [şeýta:nýassyk], *at, sazç.* Dutarda baş perde bilen şeýtan perdäniň aralygynda kirişleri göterip duran eşege meňzeş plastmassa bölek.

**ŞEÝTEL**, *at.* Aşyk, humar ýaly oýunda utan adamyň oýnaman oturan öz tarapdarlaryna berýän paýy, peşgeşi. *Maňa-da şeýtel berjek diýdi* (A. Atajanow).

**ŞEÝTME**, *iş ady.* Şeýtmek ýagdaýy.

**ŞEÝTMEK**, *işl., gapl.d.* Şeýle etmek, şunuň ýaly etmek, şuňa meňzeş etmek. *Wah, şeýdägede, munuň başyny bogup dynaýandan gowusy ýokdy* (H. Derýaýew).

**ŞEÝTMEKLIK**, *iş ady.* Şeýtmek ýagdaýy.

**ŞÄGIRT** [şä:ğirt], *at.* Ussadyň, ussanyň okuwçysy, tälim alýan, kär öwrenýän kömekçisi. *Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter* (Nakyl).

**ŞÄGIRTLIK** [şä:ğirtlik], *at.* Şägirdiň käri, işi, ýagdaýy, şägirt bolmaklyk. *Ýaşlaryň bir bölegi kärhanalardaky önümçilik ussalarynyň ýanyna şägirtlige giderler.*

**ŞÄHDAÇYK**, *syp.* Keýpi kök, şat, şadyýan, göwni hoş. *Dumly-duşdan gelen şähdaçyk, şadyýan adamlar şäheri hyryn-dykyn dolduryardy* (B. Kerbabaýew).

**ŞÄHDAÇYKLYK**, *at.* Keýpi köklük, göwnühoşluk. *Gidende yzynda şähdaçyklyk bilen ýyljyraklap galan agtygynyň ýagdaýyny bütinleý bozuk halda gördi* (B. Soltannyýazow).

**ŞÄHER**, *at.* Dolandyryş söwda, senagat we medeni merkez, köp ilatly ýer.

**ŞÄHERARA** [şähera:ra], *syp.* Şäherleriň baglanyşygyny üpjün edýän, şäherler arasynda hereket edýän (aragatnaşyk, gatnaw we ş.m. hakynda). *Şäherara awtobus.*

**ŞÄHERLEŞMEK**, *işl.* Şähere öwrülip barmak, şähere meňzemek. *Bu oba şäherleşen obady* (A. Ahundow-Gürgenli).

**ŞÄHERLI**, *syp.* Şäherde ýaşaýan, şäheriň ýaşaýjysy. *Şäherli adamlarda onuň ýanyna, Getirdiler daýy-ýeňňelerini* (G. Ezizow).

**ŞÄHT**, *at.* Ruhy ýagdaý, keýp. *Tämiz ýaz şemaly öpýär ýüzüňi, Aýlanyňda çar tarapa gözüňi, Şähdiň açýar janly görnüş her ýanda* (A. Kekilow).

**ŞÄNIK** [şä:nik], *at.* Käbir hasyl getirýän agaçlaryň gaty gabykly, içi tohumly, maňyzly dänesi (erik, şetdaly we ş.m.). *Aglama, jigim aglama, Şetdaly kakyp bereýin. Şetdalynyň şänigni, Boýnuňa dakyp bereýin* (Hüwdi).

◊ **Şänik döwlen ýaly etmek** bir işi başarjaňlyk bilen ýerine ýetirmek, meseläni çürt-kesik etmek, açyk-aýdyň etmek, kesgitli netijä gelmek. *Ýöräňde otlukly ýöräp, gepläňde şänik döwlen ýaly etmelisiň* (A. Durdyýew).

**ŞÄRIK** [şä:rik], *at.* **1**. Bileleşip ýerine ýetirilýän işiň netijesinde haky bar, hakly. **2**. Deň esasda işlemek, hasyly deň paýlaşmak şerti bilen ekin ekýän adamlar, şärikli adam. *Türkmenler: "Ekine şärik bolman, duldegşir goňşy bolman, uzak ýola ýoldaş bolman, ýow güni synag etmän, adama baha berme" diýýär* (H. Derýaýew).

◊ **Ýata şärik** şärikli işiň özüne degişli bölegini berjaý etmeýän.

**ŞÄRIKÇILIK** [şä:rikçilik], *at.* **1**. *ser.* **Şäriklik**. *Özüň şärikçilige goşuldyň, indi şärikçilikden dänme* (N. Jumaýew). **2**. Masgalada çagaly bolmaklyk, hem eje, hem kaka tarapyndan maşgala gatylyp-garylmaklyk. *Çaga şärikçiligi.*

**ŞÄRIKDEŞ** [şä:rikdeş], *at.* Biri bilen bir zada şärik adam, degişli paýy bar adam. *Garry öz ýanyndan: "Onuň şärikdeşi bolup, ozaldan hasaplary bar bolaýmasyn" diýdi* (A. Gowşudow).

**ŞÄRIKLEŞMEK** [şä:rikleşmek], *işl.* Şärik bolmak, şärikli bolup bir zat almak, paýlaşmak. *Şärikleşip goýun almak.*

**ŞÄRIKLI** [şä:rikli], *syp.* Bilelikde alnan, bilelikde edilen. *Şärikli aşy it iýmez, iýse-de gözi agarar* (Nakyl). *Şolaryň aýdýan zatlary tapylaýsa, ikimiz şärikli bolaly* (A. Gowşudow).

**ŞÄRIKLIK** [şä:riklik], *at.* Şärik ýagdaýda bolmaklyk, düşdük paýyna haklylyk. *Onuň batyrgaý pikirine şäriklik bildirýänler-de ýok däldi* (G. Kulyýew).

**ŞIBER** [şiver], *at.* Akyp duran suwly ýara. *Bu çeşmäniň gözbaşyndan çogup çykýan ýympyk suwuň her damjasy, onuň merjen monjuklar kimin bulduraşýan sansyz düwmejikleri örgüniň, şiberiň, guragyryň, ýadawlygyň bire-bir dermany diýlip hasaplanýar* ("Edebiýat we sungat").

**ŞIBIRDEME** [şivirdeme], *iş ady.* Şibirdemek ýagdaýy.

**ŞIBIRDEMEK** [şivirdemek], *işl.* Şibirdili ses çykmak, şibirdili seslenmek. *Ýagyş şibirdäp ses edýär.*

**ŞIBIRDEMEKLIK** [şivirdemeklik], *iş ady.* Şibirdemek ýagdaýy.

**ŞIBIRDEŞMEK** [şivirdeşmek], *işl.* Şibirdili ses edişmek. *Agajyň ýapraklary şibirdeşýär.*

**ŞIBIRDETMEK** [şivirdetmek], *işl.* Şibirdili ses çykartmak.

**ŞIBIRDEÝIŞ** [şivirdeýiş], *iş ady.* Şibirdemek ýagdaýy.

**ŞIBIRDI** [şivirdi], *at.* Ýagyş pessaý ýaganda, ýaprak we ş.m. zatlar çala ösýän ýele yrgyldanda döreýän sesiň ady. *Suwuň özboluşly şibirdisine gulak salyp, iki ýigit keş ugruny syryp gelýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**ŞIBIT** [şivit], *at.* Owunjak pür ýaprakly iýilýän bir ýyllyk ot.

**ŞIKAÝAT** [şika:ýat], *at.* Bir adamyň, edaranyň, guramanyň we ş.m. bikanun ýa-da nädogry hereketi hakynda ýazylan resmi arza; dilden bildirilýän närazylyk.

**ŞIKAÝATÇY** [şika:ýatçy], *at.* Şikaýat edýän adam, arz ediji. *Patyşa rugsat berenden soň, şikaýatçylar oňa mälim edipdirler* ("Myraly").

**ŞIKES**, *at.* Güýçli zarba, urgy we ş.m. sebäpli birine ýa-da bir zada ýeten zyýan.

**ŞIKESLENMEK**, *işl.* Şikes tapynmak; şikes ýetirilmek. *Syrçanyň şikeslenmegi, adatça, dişiň kem-kemden harap bolmagyna sebäp bolýar* ("Saglyk").

**ŞIKESLI**, *syp.* Şikes ýeten, şikesi bolan.

**ŞIKESTE** [şikesse], *syp., k.d.* **1**. Azar gören, jebir çeken, ynjan, synyk, döwük. *Bir şikeste garyp men, sen ýetirgil wysala* (Talyby). **2**. Arap hatynda: nastalykdan tapawutlylykda, harplaryň kadadan çykylyp, gysgaldylyp ýazylýan görnüşi. *Ol şikeste ýazylan setirleri ýene bir gezek dykgat eleginden geçirýärdi* (G. Kulyýew).

**ŞIKÄR** [şikä:r], *at, k.d.* Haýwanlary, guşlary awlamak maksady bilen gidilýän aw meýdany, aw. *Hindiniň awçysy çyksa şikäre, Özge aw islemez, pil sesin aňsa* (Mollanepes). *Şikär eýläp, ýagşy tüpeň atardym, Sonaly, ördekli gazlarym galdy* (Seýdi).

**ŞIKÄRGÄH** [şikä:rğä:h], *at, k.d.* Aw ýeri, awlag. *Hem suwlagym, şikärgähim sen idiň* ("Ýusup – Ahmet").

**ŞILDIRDI** [şillirdi], *at.* Suw ýuwaşja akanda döreýän sesiň ady. *Salmajykdan akýan dury suwuň şildirdisi eşidilýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**ŞILDIREME** [şillireme], *iş ady.* Şildiremek ýagdaýy.

**ŞILDIREMEK** [şilliremek], *işl.* Suw ýuwaşja akanda şildirdili seslenmek. *Şildiräp akýan suw wagty bilen joýajyklary dolduryp bilmedi* (N. Esenmyradow).

**ŞILDIREMEKLIK** [şilliremeklik], *iş ady.* Şildiremek ýagdaýy.

**ŞILDIREMEZLIK** [şilliremezlik], *iş ady.* Şildir-şildir edip seslenmezlik.

**ŞILDIREŞMEK** [şilliretmek], *işl.* Şildir-şildir edip seslenişmek. *Suwlaryň şildireşýän seslerinden başga ses-üýn ýok.*

**ŞILDIRETMEK** [şilliretmek], *işl.* Şildir-şildir edip seslendirmek; çala akdyrmak. *Suwy ekinlere şildiredip goýbergin.*

**ŞILDIREÝIŞ** [şillireýiş], *iş ady.* Şildiremek ýagdaýy.

**ŞILDIRIM** [şillirim], *at.* Suwly ýapda suwa düşülende, suwdan iň ilki ýa soňky çykana suw sepilip oýnalýan çaga oýny. *Häzir şildirim atýan diýip, suwuň düýbüne çümdi* (H. Meläýew).

**ŞILDIRIM-ŞIP** [şillirim-şip], *at, ser.* **Şildirim**.

**ŞILDIR-ŞILDIR** [şillir-şillir], *s.ş.aňl.söz.* Şildiräp akyp duran suwuň sesi, şildirdi.

**ŞILLIŇ**, *syp.* Inçe uzyn, uzyndan gelen hor, arryk.

**ŞINDI** [şinni], *hal.* Şu çaka çenli, şu wagta deňiç, entek, häzir, heniz, şindiz. *Ogulhajadyň dakynan gyrmyzy gaşly ýüzüginiň ýylpyldysy şindi hem gözümiň öňünden gidenok* (T. Gurbanow).

**ŞINDIKI** [şinniki], *syp.* Şu wagtky, häzirki; bolup duran. *Ol obadaşlarynyň şindiki bolup oturyşlary ýaly dymyp oturmak islemedi.*

**ŞINDI-ŞINDILER** [şinni-şinniler], *hal.* Entek-entekler, henize-bu güne çenli, henize çenli. *Onuň nurana ýüzi şindi-şindilerem gözümiň öňünden gidenok.*

**ŞINDIZ** [şinni:z], *hal.* Häzir, häzir hem; entek. *Men şindiz hem aňk bolup, olaryň giden tarapyna seredip durdum* (A. Gurbanow).

**ŞINE** [şi:ne] **I**, *at.* Paltanyň, teşäniň we ş.m. gurallaryň sapyna berklik üçin kakylýan bir tarapy ýasyja agaç bölegi ýa-da demir. *Diýdi şine: – Çekiç dost, Başarmarsyň mensiz kär* (M. Garryýew).

**ŞINE** [şi:ne] **II**, *at.* Tohumyň gabygyny ýaryp ösüp başlan ilkinji ösüntgi.

**ŞINELEME** [şi:neleme] **I**, *iş ady.* Şinelemek ýagdaýy.

**ŞINELEME** [şi:neleme] **II**, *iş ady.* Şinelemek ýagdaýy.

**ŞINELEMEK** [şi:nelemek] **I**, *işl.* Paltanyň, teşäniň we ş.m. gurallaryň sapyna berklik üçin şine kakmak, şine kakyp berkitmek, pahnalamak.

**ŞINELEMEK** [şi:nelemek] **II**, *işl.* **1**. Şine ýaryp başlamak, gögerip başlamak. *Bahar ýagşyndan soň, ýerdäki tohum şineleýär.* **2**. *göç.m.* Döremek, ýüze çykmak. *Onuň aňynda çeper eseriň mazmuny şineleýärdi.*

**ŞINELEMEKLIK** [şi:nelemeklik] **I**, **II**, *iş ady.* Şinelemek ýagdaýy.

**ŞINELEMEZLIK** [şi:nelemezlik] **I**, *iş ady.* Şine ýarmazlyk.

**ŞINELEMEZLIK** [şi:nelemezlik] **II**, *iş ady.* Şine kakmazlyk.

**ŞINELENMEK** [şi:nelenmek], *işl.* Şine urulmak, şine kakylmak. *Çekiçdir paltalaryň saplary şinelendi.*

**ŞINELEŞMEK** [şi:neleşmek], *işl.* Şinelemäge kömekleşmek.

**ŞINELETMEK** [şi:neletmek], *işl.* Şine kakdyrmak.

**ŞINELEÝIŞ** [şi:neleýiş] **I**, **II**, *iş ady.* Şinelemek ýagdaýy.

**ŞIPJERMEK**, *işl., gepl.d.* Özüňe göwnüýetijilik bilen öte suwjaryp geplemek (aýallar tarapyndan ulanylýan söz). *– Beýdip şipjerip oturmasana, gyz!*

**ŞIPJEW** [şipjöw], *at, gepl.d.* Öte suwjaryp gepleýän aýal (aýallar tarapyndan ulanylýan söz). *– Pylany barypýatan şipjew eken.*

**ŞIR** [şi:r], *at.* **1**. Pişikler maşgalasyndan bolan, boýny tüýlek, galan ýeri gytyk sary tüýli, iri, wagşy, süýdemdiriji haýwan, arslan. *Şiriň şirligi – dişi bilen dyrnagy* (Nakyl). *Çöl ýerlerde tazy görmän tilkiler, Hyýal eder ýatan şiri atmaga* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Şir ýaly** güýçli, daýaw. **Üstüňe şir bolmak** özüňden rüstem bolmak (ýüzüňe azgyrylýan, gygyrylýan ýagdaý bilen bagly ulanylýar). *Şu gün-ä hemmäňiz, ony ýuwaş gördüňizmi, nämemi, üstüne şir bolduňyz.*

**ŞIRAZY** [şi:ra:zy], *syp.* Çal garaköli bagananyň bir görnüşi.

**ŞIRÇAÝ** [şi:rça:ý], *at.* Demlenen çaý bilen süýt garylyp, saryýag ýa-da mesge goşulyp taýýarlanýan ýokumly içgi. *Maňa ...şirçaý içirýärdiler* (M. Hydyrow).

**ŞIRE** [şi:re] **I**, *at.* Miweli agaçlarda, olaryň miwelerinde we ş.m. emele gelýän ýelmeşegen şepbik suwuklyk.

◊ **Şire suwag** gara suwagyň üstünden suwalýan ýuka suwag.

**ŞIRE** [şi:re] **I**, *at, ser.* **Şireje.**

**ŞIREJE** [şi:reje], *at.* Ekine, miweli agaçlara düşüp, zyýanly kesel döredýän möjejik. *Şireje diýermiň, kekene-sarytüýli diýermiň, çyrmaşyk diýermiň, garaz, ekiniň müň dürli ýagysy bardyr* (N. Esenmyradow).

**ŞIREKE** [şi:reke], *at.* Içirginiň üstünden, eýeriň aşagyndan ýazylýan, dürli nagyşlar salnyp dokalýan seçekli at julunyň bir görnüşi.

**ŞIRELEME** [şi:releme], *iş ady.* Şirelemek ýagdaýy.

**ŞIRELEMEK** [şi:relemek], *işl.* Ekine, miweli agaçlara şire düşmek, şire degmek. *Hyýarymyz şireläpdir.*

**ŞIRELEMEKLIK** [şi:relemeklik], *iş ady.* Şirelemek ýagdaýy.

**ŞIRELEMEZLIK** [şi:relemezlik], *iş ady.* Şire degmezlik.

**ŞIRELEÝIŞ** [şi:releýiş], *iş ady.* Şirelemek ýagdaýy.

**ŞIRELI** [şi:reli], **1**. Şire ýelmeşen, şire ýokan, şire degen. *Oglum, şireli eliň bilen hiç zat elleme.* **2**. Tagamly, lezzetli, süýji. *Mähnet gazandaky palawy aşpez, kepgir bilen agdardy, olardan göterilýän şireli bug atbaşçylaryň burnuna urdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Üýtgeşik täsirli, täsin. *Ýazyjy şireli sözleri ulanmagy başarýar.*

**ŞIRELILIK** [şi:relilik], *at.* Şireli bolmaklyk.

**ŞIREM** [şi:rem], *at.* **1**. Iki deräniň arasyndaky ýer. **2**. Dagyň ýüzündäki dikligine çykylýan pyýada ýol.

**ŞIRE-ŞEPBIK** [şi:re-şepbik], *at.* Ýelmeşýän şire, şepbik ýaly zatlar. *Ir-iýmiş ýygnamak bilen elleri şire-şepbik bolup duran adamlar degişýärdiler we gülüşýärdiler* (A. Gowşudow).

**ŞIRE-ŞEPIR** [şi:re-şepir], *at, gepl.d.* Her hili miweler, gawun-garpyz. *Heniz şire-şepirem çykyp baranok.*

**ŞIRGUÝRUK** [şi:rğuýruk], *at.* Köpýyllyk, otjumak ýabany ot.

**ŞIRIN**, *syp.* **1**. Süýji, tagamly, lezzetli. *Şirin şerbet. Şirin çakyr.* **2**. *göç.m.* Ýakymly, mylaýym, jana ýaramly, labyzly. *Şirim söz. Şirin mukam. Şirin saz.* **3**. Gyza dakylýan at.

**ŞIRINLIK**, *at.* **1**. Süýji tagamlylyk, lezzetlilik. **2**. *göç.m.* Ýakymlylyk, mylaýymlyk, jana ýaramlylyk, labyzlylyk.

**ŞIRIN-ŞEKER**, *syp.* Süýji tagamly, lezzetli, örän süýji. *Tylla reňkli gülabymyz, şirin-şeker tagamy agzyňdan gitmeýän ter waharmanymyz barada gürrüň berdim* ("Edebiýat we sungat").

**ŞIRIN-ŞERBET** [şirin-şervet], *syp., ser.* **Şirin-şeker**.

**ŞIRLEME**, *iş ady.* Şirlemek ýagdaýy.

**ŞIRLEMEK**, *işl.* Şirrildili ses etmek, şirrildili seslenmek, şirrildemek, şildiremek (akýan suw we ş.m. hakynda). *Çeşmeler şirläp täsin ses edýär.*

**ŞIRLEMEKLIK**, *iş ady.* Şirlemek ýagdaýy.

**ŞIRLEMEZLIK**, *iş ady.* Akýan wagty şirrildäp seslenmezlik.

**ŞIRLEŞMEK**, *işl.* Şirrildili ses edişmek.

**ŞIRLETMEK**, *işl.* Şirlär ýaly edip akdyrmak.

**ŞIRLEÝIŞ**, *iş ady.* Şirlemek ýagdaýy.

**ŞIRMAÝY** [şirma:ýy], *syp.* Pil süňkünden ýasalan önüm (başdarak, pyçagyň sapy we ş.m.). *Şirmaýydan ýasalgan darakyňa muştagam, Ertir-agşam sypasam, zülpüň uzar, Aýperi* (Mätäji).

*Dutaryň şirmaýy bar perdesinden, Watan sözi mähir bilen ýaňlanýar* (A. Kowusow).

**ŞIRPILDEME** [şirpilleme], *iş ady.* Şirpildemek ýagdaýy.

**ŞIRPILDEMEK** [şirpillemek], *işl.* Suw ýa-da suwuk zatlar azajykdan içilende şirpildili ses çykmak.

**ŞIRPILDEMEKLIK** [şirpillemeklik], *iş ady.* Şirpildemek ýagdaýy.

**ŞIRPILDEMEZLIK** [şirpillemezlik], *iş ady.* Şirp-şirp etmezlik, şirpildili seslenmezlik.

**ŞIRPILDETMEK** [şirpilletmek], *işl.* Suw ýa-da suwuk zatlar azajykdan içilende şirpildili ses çykarmak, şirp-şirp etmek, şirpildili seslendirmek. *Muhat aga käsesindäki çaýyndan şirpildedip owurtlady* (N. Pomma).

**ŞIRPILDEÝIŞ** [şirpilleýiş], *iş ady.* Şirpildemek ýagdaýy.

**ŞIRPILDI** [şirpilli], *at.* Suw ýa-da suwuk zatlar azajykdan sesli içilende çykýan sesiň ady.

**ŞIRP-ŞIRP**, *s.ş.aňl.söz.* Suw ýa-da suwuk zatlar azajykdan sesli içilende çykýan sesler.

**ŞIRRILDEME** [şirrilleme], *iş ady.* Şirrildemek ýagdaýy.

**ŞIRRILDEMEK** [şirrillemek], *işl., ser.* **Şirlemek**. *Şonuň emedekläp barýan ýerinde semawaryň jüründiginden dökülýän ýaly, ujypsyzja suwjagaz hem şirrildeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞIRRILDEMEKLIK** [şirrillemeklik], *iş ady.* Şirrildemek ýagdaýy.

**ŞIRRILDEMEZLIK** [şirrillemezlik], *iş ady.* Şirrildili seslenip akmazlyk.

**ŞIRRILDEŞMEK** [şirrilleşmek], *işl.* Köp ýerden şirrildili ses çykaryp akmak.

**ŞIRRILDETMEK** [şirrilletmek], *işl.* Şirrildili ses döretmek.

**ŞIRRILDEÝIŞ** [şirrilleýiş], *iş ady.* Şirrildemek ýagdaýy.

**ŞIRRILDI** [şirrilli], *at.* Beýikden pese, ýokardan aşak çalaja akýan suwuň sesiniň ady.

**ŞITDE**, *at, k.d.* Bezelen guşak. *Meni şitde kimin ora, Biliňe gurban bolaýyn* ("Nejep oglan").

**ŞITDET**, *at, k.d.* Güýç, zarba, kynçylyk, agyr, howp. *Neýleý şitdetinden gahba pelegiň, Bu gün meni söwer ýardan aýyrdy* ("Şasenem – Garyp").

**ŞITIL**, *at.* Oturdyp ekmek üçin ýörite ösdürilip ýetişdirilýän ýaş nahal. *Ogulaý goparan şitillerini endigan goýuşdyrdy* (R. Gelenow).

**ŞITILEMEK**, *işl., gepl.d.* **1**. Bir ýeri uçmak, çalarak döwülmek, çat açmak, moý açmak (çäýnek-käse ýaly döwlegen zatlar hakynda). *Käsäniň sitilän ýeri ýok.* **2**. Heläk bolmak, ölmek.

**ŞITILEMEZLIK**, *iş ady.* Zaýa bolmazlyk ; döwülmezlik. *Aňzakda basyrylyp goýlan pomidorlaryň şitiläni ýok.*

**ŞITILHANA** [şitilha:na], *at.* Şitil ösdürilip ýetişdirilýän ýörite gurlan desga, jaý.

**ŞITIRDEME**, *iş ady.* Şitirdemek ýagdaýy.

**ŞITIRDEMEK**, *işl.* Şitirdili ses çykmak, şitirdili seslenmek (ýagyş we ş.m. hakynda). *Ýagyş çala şitirdese, goýy damjalar irigöz elekden geçen bugdaý ýaly ýagýardy* (B. Kerbabaýew). *Şol wagt ýagyş şitirdemäge başlan ekeni* ("Myraly").

**ŞITIRDEMEKLIK**, *iş ady.* Şitirdemek ýagdaýy.

**ŞITIRDEMEZLIK**, *iş ady.* Şitirdäp ýagmazlyk.

**ŞITIRDEŞMEK**, *işl.* Şitir-şitir seslenişmek (köp sanly ýagyş damjasy hakda). *Şitirdeşip ýagýan ýagşyň sesi eşidilýärdi.*

**ŞITIRDETMEK**, *işl.* Şitir-şitir etdirmek.

**ŞITIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Şitirdemek ýagdaýy.

**ŞITIRDI**, *at.* Çala ýagyş ýaganda, guran ýaprak we ş. m. zatlar çala gorjalananda çykýan sesiň ady.

**ŞITIR-PITIR**, *at.* Ýagşyň az wagtlap damjalap ýagmasy, şytyr-pytyr. *Şitir-pitiriň soňy çabga ýazdy.*

**ŞIWE** [şi:wö] **I**, *at, dil b.* Umumy milli diliň bir sebitde, etrapda ýaşaýan ilat üçin häsiýetli gepleýiş aýratynlyklary; ýerli gepleşik. *Ol özüniň asly gepleýän şiwesini üýtgetjek bolup şunça jan etdi welin, ol oňa peýda bermedi* (A. Gowşudow).

**ŞIWE** [şi:wö] **II**, *at, k.d.* Näz-kereşme, näzirgeme; owadanlyk, gözellik. *Çyn aşyk men, namysym ýok, zarym bar, şu gün saňa şiwe bilen näzim bar* ("Görogly"). *Huplaryň şiwesi gara göz bolar* (Kemine).

**ŞKAF** [yşğa:p], *at.* Içine zat salyp saklamak üçin niýetlenen gapyly mebel. *Kitap şkafy. Şkafyň agzy açyk galypdyr. Skafyň gapysyny gulplamak. Şkafyň içini zatdan doldurmak.*

**ŞOGAP** [şoğa:p], *at.* Derýa akymynyň bölünmegi bilen suwuň ortasynda galan zolak gury ýer. *Derýanyň ozalrak taşlap giden şogaplary gür jeňňellik bolupdyr* (M. Hydyrow).

**ŞOH** [şo:h], *syp.* Degişgen, bälçik, alaýaz. *Ýigit ýa şoh gerek, ýa –ýok* (Nakyl).

**ŞOHLANMAK** [şo:hlonmok], *işl.* Şohluk etmek, ruhy göterilmek, keýpi kökelmek. *Annataganyň meňzetmeleri bilen şohlanan Gubaýdullin oňa soragly göz bilen çiňerildi* (B. Kerbabaýew).

**ŞOHLUK** [şo:hluk], *at.* Degişgenlik, wäşilik, bälçiklik, alaýazlyk. *Derýaguly aga şohluk bilen ýuwmarlamaga çalyşdy* (N. Jumaýew).

**ŞOKURDAMA** [şokurdomo], *iş ady.* Şokurdamak ýagdaýy.

**ŞOKURDAMAK** [şokurdomok], *işl.* Şokur-şokur etmek, gatap, şokurdyly ses çykarmak, şokurdyly seslenmek. *Eden işim bilmedim, aklym başymdan çaşdy, Şokurdap il ürküzer, ogşuk bahaly içmek* (Kemine).

**ŞOKURDAMAKLYK** [şokurdomokluk], *iş ady.* Şokurdamak ýagdaýy.

**ŞOKURDAŞMAK** [şokurdoşmok], *işl.* Şokurdyly ses edişmek.

**ŞOKURDATMAK** [şokurdotmok], *işl.* Şokurdyly ses etdirmek, şokurdy döretmek. *Şeý diýdi-de içmegin, şokurdadyp başlady* (M. Seýidow).

**ŞOKURDAWUK** [şokurdowuk], *syp.* Şokurdap duran, şokurdyly ses çykarýan, şokurdyk. *Aýagyňa bir şokurdawuk mesini geý* ("Görogly").

**ŞOKURDAÝYŞ** [şokurdoýuş], *iş ady.* Şokurdamak ýagdaýy.

**ŞOKURDY**, *at.* Gaty deriden, kirläp gatan geýim-gejimden we ş.m. çykýan sesiň ady. *Gaty deriniň şokurdysy. Köne içmegiň şokurdysy.*

**ŞOKURDYK** [şokurduk], *syp., ser.* **Şokurdawuk**. *Ol şokurdyk ak possunyny ýeňlenip, myhmanlaryň atyny tutuşdy, getiren söwüşlerini daňyşmaga kömek etdi* (N. Pomma).

**ŞOL**, Bir şahsy, bir zady we ş.m. görkezmek hyzmatyny ýerine ýetirýän görkezme çalyşmasy (ş*ol* sözüniň düşümlerde ulanylyşy: *şol, şonuň, şoňa, şony, şonda, şondan*).

**ŞONÇA** [şonço], *hal.* Şol derejede, şoňa barabar, şonuň ýaly. *Ýabysy näçe gulagyny salpardyp barsa, onuň şonça hem keýpi kökdi* (A. Durdyýew). *Säher turup, syl ýüzüňe çagaňy, Päkligiňde bolup bilseň sonça bol* (G. Ezizow).

**ŞONLUGYNA** [şonluğna], *hal.* Şol durşuna, bolşy ýaly, durşy ýaly, öňküligine. *Gürrüň şonlugyna galdy.*

**ŞOR,** *at.* Derlemek netijesinde köýnege we ş.m. ýere çykýan ak eňez, duz.

**ŞOR** [şo:r], *syp.* **1**. Tagamy duzly, duzy köp, duzy artyk düşen, duzy agdyk (nahar hakynda). **2**. Duzy ýüzüne çykyp, agaryp ýatan (ýer hakynda). *Şor doňmaz, ýaman oňmaz* (Nakyl). *Şor ýer.*

◊ **Şor maňlaý** bagtsyz, hemişe işi şowsuz, işi oňmaýan. **Şor toýnak** baran ýerinde bereket gaçýan, aýagy düşmeýän, kemrysgal, gaty toýnak. **Şory depesine çykan** erbet, bihaýa. **Şor ykbal** täleýi ters gelen, gara maňlaý, bagty gara, bagtsyz.

**ŞORA** [şo:ro], *at.* Şorlukda bitýän pür ýaprakly we baldagy şorumtyk suwluja gyrymsy ösümlik. *Ol bu gün däri ýasamak üçin şora ýygmaga gidipdi* (A. Gowşudow).

**ŞORALYK** [şo:roluk], *at.* Köp şora gögeren ýer, şora bilen örtülen ýer. *Ol wagt bu şäheriň giň meýdany her ýerde bir düýp garagan hem gyrymsyja şoralyk düzdi* (B. Gurbanow).

**ŞORÇAÝYR** [şo:rçaýyr], *at.* Gyrtyçlar maşgalasyna degişli, esasan, suwsuz ýatan şor meýdanda bitýän, iri we gaty baldakly, ýere ýazylyp ösýän haşal ot.

**ŞORJA** [şo:rjo], *syp.* Şorrak, duzlurak. *Birje çemçe şorja serçe çorbasy* (Ýaňlytmaç).

**ŞORLAMA** [şorlomo], *iş ady.* Şorlamak ýagdaýy.

**ŞORLAMA** [şo:rlomo], *iş ady.* Şorlamak ýagdaýy.

**ŞORLAMAK** [şorlomok], *işl.* Günüň aşagynda işläp derlemek netijesinde geýimiň ýüzüne ajy der çykmak. *Ol şorlan köýnegini çykardy.*

**ŞORLAMAK** [şo:rlomok], *işl.* Bir zadyň şory ýa-da duzy ýüzüne çykmak, şor döremek, şor çykmak. *Ýollaryň iki tarapy-da zeýläp, ýüzi şorlap ýatan meýdanlyk* (B. Seýtäkow).

**ŞORLAMAKLYK** [şorlomokluk], *işl.* Şorlamak ýagdaýy.

**ŞORLAMAKLYK** [şo:rlomokluk], *iş ady.* Şorlamak ýagdaýy.

**ŞORLAMAZLYK** [şorlomozluk], *iş ady.* Geýimiň ýüzüne ajy der çykmazlyk.

**ŞORLAMAZLYK** [şo:rlomozluk], *iş ady.* Ýeriň şory ýüzüne çykmazlyk.

**ŞORLANMAK** [şo:rlonmok], *işl.* Şory çykmak. *Ýerleriň şorlanmagynyň öňüni almak üçin köp çäreler durmuşa geçirilýär.*

**ŞORLATMAK** [şorlotmok], *işl.* Günüň aşagynda işläp derlemek netijesinde geýimiň arkasyna ajy der çykarmak, şorlamak derejesine ýetirmek. *Endamynyň ajy deri köýnegini şorladýardy* (B. Kerbabaýew).

**ŞORLATMAK** [şo:rlotmok], *at.* Şoruny ýüzüne çykarmak. *Topragy şorlatmak.*

**ŞORLAÝYŞ** [şo:rloýuş], *iş ady.* Şorlamak ýagdaýy.

**ŞORLUK** [şo:rluk], *at.* **1**. Giden şor toprakly meýdan, şor bilen örtülen ýer. **2**. Tagamy şor bolmaklyk, duzy agdyk bolmaklyk, duzlulyk. *Deňiz suwunyň şorlugy.*

**ŞORPULDAMA** [şorpullomo], *iş ady.* Şorpuldamak ýagdaýy.

**ŞORPULDAMAK** [şorpullomok], *işl.* Çorba, unaş we ş.m. içilende, şorpuldyly ses çykmak.

**ŞORPULDATMAK** [şorpullotmok], *işl.* Bir zady içeniňde şorpuldyly ses çykarmak. *Şorpuldadyp aş içmek gelşiksizdir.*

**ŞORPULDAÝYŞ** [şorpulloýuş], *iş ady.* Şorpuldamak ýagdaýy.

**ŞORPULDY** [şorpully], *at.* Suwuk nahar iýlende, çaý we ş.m. içilende, agyz boşlugynda döreýän sesiň ady. *Şol gürrüňler arasynda çekdirmäniň şorpuldysy hem dowam etdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞORSAW** [şo:rsow], *syp.* **1**. Tagamy şor bolan, duzy agdygrak düşen. *Şorsaw tagamly çorba.* **2**. Topragy birneme şor bolan, şorrak ýer, şortaň. *Şorsaw ýerler.*

**ŞORSURAMA** [şo:rsuromo], *iş ady.* Şorsuramak ýagdaýy.

**ŞORSURAMAK** [şo:rsuromok], *işl.* Şor tagamly zatlary küýsemek, şorja etli nahar iýesiň gelmek. *Bir gün ikisi: "Gel, şu gün bir guýrujak gözläli, şorsuradyk" diýşip, maslahat edip, ýola düşüp ugrapdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**ŞORSURAMAKLYK** [şo:rsuromokluk], *iş ady.* Şorsuramak ýagdaýy.

**ŞORSURAMAZLYK** [şo:rsuromozluk], *iş ady.* Şorsurap durmazlyk.

**ŞORSURAŞMAK** [şo:rsuroşmok], *işl.* Birnäçe bolup şorja etli nahar iýesiň gelmek.

**ŞORSURAÝYŞ** [şo:rsuroýuş], *iş ady.* Şorsuramak ýagdaýy.

**ŞORSUW** [şo:rsuw], *at.* **1**. Gowrulyp ýaga durmadyk etiň şor suwy. *Şorsuw bilen etden gerk-gäbe doýdular* (N. Pomma). **2**. *ser.* **Börtme**.

**ŞORTA** [şorto], *syp.* Wäşi, degişgen, alçak, şoh.

◊ **Şorta söz** esasy wakany gülküli, täsin beýan edýän gysgajyk çeper kyssa. *Bu häsiýet ylaýta-da Keminäniň, Aldarkösäniň, Esenpoladyň, Japbaklaryň*

*ady bilen baglanyşykly dörän şorta sözlerde ýiti duýulýar* ("Mugallymlar gazeti").

**ŞORTAŇ** [şo:rtoň], *syp., ser.* **Şorsaw**. *Aňyrsyna göz ýetmeýän şortaň düzde wyşkalar hatarlanyp galýança, ençeme kynçylyklar, aýylganç howplar bukup ýatyrdy* (B. Kerbabaýew).

**ŞOTLANDIÝALY** [şotla:ndiýaly], *syp., ser.* **Şotlandiýalylar**.

**ŞOTLANDIÝALYLAR** [şotla:ndiýalylar], *at.* Şotlandiýanyň ýerli halky.

**ŞOW I**, *at.* Işiň gerekli ýa-da islenýän netijesi, üstünlik. *Her bir zat şow işidir.*

◊ **Şow almak** rowaçlanmak, ugruna bolmak, oňat netije bermek, üstünlik getirmek, şowuna düşmek. *– Işiňiz şow alsyn – diýip, olaryň giden ugruny ýüzüne syldy* (R. Gelenow). **Şowuna düşmek (bolmak)** *ser.* **Şow almak**. *Bu gezek olaryňky turuwbaşdan şowuna boldy* ("Edebiýat we sungat").

**ŞOW II**, *syp.* Göni, düz, tekiz. *Şow akýan ýapdaky gamyş mysaly, Titreýärdi degip yşkyň şemaly* (A. Kekilow).

**ŞOW III**, *at.* Suw degirmeniniň suwuny sowmak üçin ulanylýan kese ýap. *Men suw harazynyň şowuna, köne obamyza tarap omuz berip, golaý bardym* (R. Gelenow).

**ŞOWA** [şowo], *syp.* **1**. Bir gapdala gyşaryp duran, egri. *Onuň baýtaly akýal, gözleri çakan, guýrugy bolsa şowady* (B. Kerbabaýew). **2**. Gözi daşdan gowy görmeýän. *Şowa gözli.*

◊ **Şowa kör** uzakdan görmeýän, dar düşünjeli, gözýetimi dar.

**ŞOWALYK** [şowoluk], *at.* Şowa bolmaklyk.

**ŞOWHUN**, *at.* Joşgunly, hyjuwly ses, dabara. *Görogly dagy uly şowhun bilen gelýändirler* ("Görogly"). *Ýatmazak şeýda bilbiller şowhun edip, baglarda bazar gurdular* (B. Soltannyýazow).

**ŞOWHUN-DABARA** [şowhun-davara], *at, ser.* **Şowhun**.

**ŞOWHUNLANMA** [şowhunlonmo], *iş ady.* Şowhunlanmak ýagdaýy.

**ŞOWHUNLANMAK** [şowhunlonmok], *işl.* Şowhun artyp başlamak, şagalaňly ýagdaýa öwrülmek. *Meniň göwnüme bolmasa, häliden dymyk otagyň içi birdenkä şowhunlanyp başlana döndi* ("Edebiýat we sungat").

**ŞOWHUNLANMAKLYK** [şowhunlonmokluk], *iş ady.* Şowhunlanmak ýagdaýy.

**ŞOWHUNLANYŞ** [şowhunlonuş], *iş ady.* Şowhunlamak ýagdaýy.

**ŞOWHUNLY**, *syp.* Joşgunly, hyjuwly, dabaraly; şagalaňly. *Saz bolsa gitdigiçe şowhunly ýaňlanýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ŞOWHUNLYK** [şowhunluk], *at, ser.* **Şowhunlylyk**. *Durmuşy hoş geçirmek, şadyýanlylyk, şowhunlyk, gülüşmek, oýnaşmak, söýüşmek – biziň döwrümiziň hakly talaby* (B. Kerbabaýew).

**ŞOWHUNLYLYK** [şowhunluluk], *at.* Dabaralylyk, şagalaňlylyk.

**ŞOWHUN-ŞAGALAŇ** [şowhun-şağalaň], *at, ser.* **Şowhun**. *Myhmanlary şowhun-şagalaň bilen garşy aldyk.*

**ŞOWK**, *at, k.d.* Keýpi-sapa, lezzet, hezillik, wagtyhoşluk. *Şowkuň şerabyndyn bolmuşam däli, Bilmen niçik geçer çäştim hem şamym* (Magtymguly).

**ŞOWLAMA** [şowlomo], *iş ady.* Şowlamak ýagdaýy.

**ŞOWLAMAK** [şowlomok] **I**, *işl., ser.* **Şowwuldamak**. *Sözleseň, her ýana öwser bu tiller, Ýol urpakdan aşsa, şowlar şemallar* (Magtymguly).

**ŞOWLAMAK** [şowlomok] **II**, *işl.* Şowuna düşmek, bir iş, hereket ugruna bolup başlamak, şowly bolmak. *Bu gün-ä işimiz şowlaýsa-da ahmal.*

**ŞOWLAMAKLYK** [şowlomokluk] **I**, *iş ady.* Şowlamak ýagdaýy.

**ŞOWLAMAKLYK** [şowlomokluk] **II**, *iş ady.* Şowlamak, şowuna düşmek ýagdaýy.

**ŞOWLAŞMAK** [şowloşmok], *işl., ser.* **Şowwuldaşmak**.

**ŞOWLAÝYŞ** [şowloýuş], *iş ady.* Şowlamak ýagdaýy.

**ŞOWLULYK** [şowluluk], *at.* Şowly bolmaklyk, şowuna, ugruna bolmaklyk, oňat netijelilik. *Bu şowlulygy her kim öz beren kömeginiň netijesi diýip düşündirýärdi* (B. Gurbanow).

**ŞOWLY**, *syp.* Şowuna düşen, ugruna bolan, oňat netijeli, üstünlikli. *Şeýle bolsa, ussa aga, işiň şowly bolsun, ýasaber!* (H. Ysmaýylow).

**ŞOWSUZ**, *syp.* Şowly bolmadyk, şowuna düşmedik, ugruna bolmadyk. *Ozal hem Baýram bilen Selbiniň şowsuz söýgüsi hakyndaky myş-myş onuň gulagyna çalarak ilipdi* (N. Jumaýew).

**ŞOWSUZLYK** [şowsuzluk], *syp.* Şowly dällik, şowuna düşmezlik, ugruna bolmazlyk, oňat netije bermezlik. *Emma nätjek, uly işde şowsuzlyklara hem döz gelmeli bolýar* (Ş. Borjakow).

**ŞOWURDAMAK** [şowurdomok], *işl.* Ýörän wagty peti gitmedik dik duran keteni köýnegi şowurdyly seslenmek. *Köçämizden gyz geçende şowurdap, Ýüregimde ýandy ataş lowurdap* (M. Seýidow).

**ŞOWURDAMAKLYK** [şowurdomokluk], *iş ady.* Şowurdamak ýagdaýy.

**ŞOWURDAMAZLYK** [şowurdomozluk], *iş ady.* Şowurdap seslenmezlik.

**ŞOWURDAŞMAK** [şowurdoşmok], *işl.* Dik duran keteni köýnekler şowurdyly seslenmek.

**ŞOWURDATMAK** [şowurdotmok], *işl.* Şowurdyly seslendirmek. *Bularyň öňünden gyrmyzy köýnegini şowurdadyp pete-pet çykan Bahardy* (A. Gowşudow).

**ŞOWURDAÝYŞ** [şowurdoýuş], *iş ady.* Şowurdamak ýagdaýy.

**ŞOWURDY**, *at.* Keteni ýaly käbir ýüpek matalardan tikilen geýimleriň we ş.m. pasyrdamagy netijesinde döreýän sesiň ady.

**ŞOWWULDAMA** [şowwullomo], *iş ady.* Şowwuldamak ýagdaýy.

**ŞOWWULDAMAK** [şowwullomok], *işl., ser.* **Şuwwuldamak.** *Çalasyn salynýan orak sesi şowwuldap ses edýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞOWWULDAMAKLYK** [şowwullomoklyk], *iş ady.* Şowwuldamak ýagdaýy.

**ŞOWWULDAŞMAK** [şowwulloşmok], *işl.* Şowwuldyly ses edişmek. *Gara ýoldan maşynlar şowwuldaşyp geçýärdi.*

**ŞOWWULDAÝYŞ** [şowwulloýuş], *iş ady.* Şowwuldamak ýagdaýy.

**ŞOWWULDY** [şowwully], *at.* Güýçli ýeliň ýa-da bir zadyň hereketiniň güýçli bady, ýelgini we ş.m. sebäpli döreýän sesiň ady, şuwwuldy. *Aýna synnysyny şowwuldadyp, çitimini gyradeň gyrdy* (B. Kerbabaýew). *Güýçlenip başlan sowuk şemalyň badyna çaly-çetileriň şowwuldysyny eşidýärdiler* (A. Gowşudow).

**ŞÖHLAT** [şöhla:t], *at.* Ownuk dogralan bagröýkene we ete sogan, duz, burç garylyp, içýagyň ýa-da böweniň içine salnyp, ýörmelip, gaýnatma çorbasynda bişirilýän nahar.

**ŞÖHLE**, *at.***1**. Ýagtylyk çeşmesinden we ş.m. düşýän ýagtynyň inçe zolaklary. *Kireňsiz asmanda aşak sallanan Gün özüniň ýiti şöhlesini seçýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Bir zadyň ýalkymy, nury, ýagtysy. *Şiriniň hemrasy, Leýliniň taýy, şöhläňden gizlener asmanyň Aýy* (Kemine). **3**. *fiz.* Bir jisim bölejiginiň ýa-da elektromagnit yrgyldylarynyň energiýasynyň akymy. *Munuň özi atomyň kömegi bilen has agyr keselleri şöhle arkaly bejermeklige hyzmat edýär* (K. Berdiýew).

◊ **Şöhle keseli** radioaktiw maddalaryň bedene, organizme täsiri bilen döreýän kesel.

**ŞÖHLELENDIRMEK** [şöhlölönnürmök], *işl.* **1**. Şöhle ýaýmak, ýagtylyk çaýmak, ýalkym salmak, ýagtylandyrmak. *Aýyň süýt ýaly ak ýagtysy giden çöli şöhlelendirdi* (N. Jumaýew). **2**. *göç.m.* Beýan etmek, suratlandyrmak. *Ýazyjy eserde şu günki güni dogruçyl şöhlelendirýär.*

**ŞÖHLELENME** [şöhlölönmö], *iş ady.* Şöhlelenmek ýagdaýy.

**ŞÖHLELENMEK** [şöhlölönmök], *işl.* **1**. Şöhle saçmak, ýagtylyk bermek, ýalkym salmak. *Körükden çykýan ýeliň zarbyna reňki öçügsi mele uçgunlar şöhlelenip, uçuşyp başlady* (B. Seýtäkow). *Simlerde güwleýän toguň badyndan, şöhlelener Watanymyň geljegi* (A. Kowusow). **2**. *göç.m.* Beýan edilmek, suratlandyrylmak.

**ŞÖHLELENMEKLIK** [şöhlölönmöklük], *iş ady.* Şöhlelenmek ýagdaýy.

**ŞÖHLELENMEZLIK** [şöhlölönmözlük], *iş ady.* **1**. Şöhle saçmazlyk. **2**. Suratlandyrylyp görkezilmezlik.

**ŞÖHLELENIŞ** [şöhlölönüş], *iş ady.* Şöhlelenmek ýagdaýy.

**ŞÖHLELI** [şöhlölü], *syp.* **1**. Şöhle saçýan, yşyk, ýagtylyk berýän. *Altyn şöhleli Günem çoguny ýazda imisalalyk bilen saçýar* (B. Annageldiýew). **2**. *göç.m.* Nurly, ýagty, ajaýyp, ýalkymly. *Onuň geljegi nähili şöhleli görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞÖHLESIZ** [şöhlösüz], *syp.* **1**. Şöhle saçmaýan, ýiti ýagtylyk bermeýän, öçügsi. *Şöhlesiz çyra.* **2**. *göç.m.* Nursuz, ýalkymsyz, nury gaçan, şöhlesi giden. *Şöhlesiz göreçler.*

**ŞÖHRAT** [şöhra:t], *at.* **1**. At-abraý. *Nepis türkmen halylarynyň şöhraty gün geldikçe artýar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Üstünlik gazanmak arzuw edilip aýdylýan alkyş sözi; gazanylan üstünligi, görkezilen mertlik mübäreklenip, gutlanyp aýdylýan ruhlandyryjy söz. *Watan üçin şirin janyny aýaman, Gaýduwsyz söweş edýän mertlere şöhrat!* (B. Kerbabaýew). **3**. Oglana dakylýan at.

**ŞÖHRATLANDYRMAK** [şöhra:tlannyrmak], *işl.* Şöhratyny dünýä ýaýmak.

**ŞÖHRATLANMA** [şöhra:tlanma], *iş ady.* Şöhratlanmak ýagdaýy.

**ŞÖHRATLANMAK** [şöhra:tlanmak], *işl.* Şöhrata eýe bolmak. *Onuň özi-de, bir wagtlar gowy sportsmen bolup şöhratlanypdy* (R. Alyýew).

**ŞÖHRATLANMAKLYK** [şöhra:tlanmaklyk], *iş ady.* Şöhratlanmak ýagdaýy.

**ŞÖHRATLANYŞ** [şöhra:tlanyş], *iş ady.* Şöhratlanmak ýagdaýy.

**ŞÖHRATLY** [şöhra:tly], *syp.* Şöhrata mynasyp, şöhrat gazanan. *Gadamyňyz batly bolsun, şöhratly pagtaçylar!*

**ŞÖHRATLYLYK** [şöhra:tlylyk], *at.* Şöhraty barlyk, şöhrata mynasyp bolmaklyk, şöhrat gazanmaklyk.

**ŞÖHRATPARAZ** [şöhra:tparaz], *syp.* Şöhrata kowalaşýan, ada, derejä, wezipä çapýan. *Şöhratparaz adam.*

**ŞÖHRATPARAZLYK** [şöhra:tparazlyk], *at.* Şöhrata kowalaşmaklyk, ada, derejä, wezipä çapmaklyk. *Şöhratparazlyk gizläp bolýan gylyk däl-dä!* (N. Jumaýew).

**ŞÖWKET** [şöwköt], *at.* **1**. Dabara, mertebe, şan. *Süleýmandan artyk bolsa şöwketiň, Lerzana getirse gökni haýbatyň* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

**ŞÖWÜR: şöwür çekmek 1**) gijesine ýol geçmek, gije ýöremek, ilkagşamdan ertire çenli ýol ýöremek. *Agşam şöwür çeken, garny hepbik ýaly atlar darym edýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**) uklamazlyk. *Alleý-alleý aragy, Gül başynyň daragy, Gije şöwürler çeksem, Gündiz gözümiň çyragy* (Hüwdi).

**ŞPAL**, [şpa:l] *at.* Agaçdan ýa-da betondan relsleriň aşagyndan keseligine düşelýän ýasy düşeklik.

**ŞPRIS** [işpiri:s], *at.* Suwuklyklary pürkmek ýa-da sorup almak üçin porşenli we iňňeli silindrjik, kiçijik silindr.

**ŞTANGA** [yşta:nga / yşda:nga], *at, sport.* Agyr atletikada: iki gapdalyndaky dürli agramdaky tigirlegi ortadan gelýän 2 *m* çenli uzynlykdaky demir hada oturdylýan enjam.

**ŞU**, Ýakyn aralygy, wagty we ş.m. görkezmek üçin *bu* sözüniň manysynda gelýän görkezme çalyşmasy. *"Kim men?" Jogap tapman şu günlere çen, Seni söýüp, kimdigimi bildim men*(G. Ezizow).

**ŞUBELA** [şuvela: / şüvela:], *hal.* Jan edip; ençeme gezek, şunça, her näçe. *Horasan tilkisi şubela urundy weli, urundygyça gapan onuň aýagynda gaýymlandy* (Ertekiler). *Maşyn şubela arlasa-da, tigirleri diýen etmedi.*

**ŞUGLA** [şuğlo], *at, şahyr.* Şöhle, ýalkym, ýalpyldy, ýagty, lowurdy. *Görki – gün, şuglasy älemi ýakar, Aga jan Arabyň gyzyn bereýin* ("Görogly"). *Ýüzi aý dek şugla salar, Husny pelekden paç alar* ("Zöhre – Tahyr").

**ŞUGUL** [şuğul] **I**, *at.* **1**. Biri ýa-da bir zat hakynda ýerliksiz ýaýradylan gürrüň. *Şirin daýzanyň ogly Arslan hakda ýaýran şugul obanyň şugulçysy Mahmaldan başga hiç kimden çykmaz* (N. Jumaýew). **2**. Şugulçy. *Kimde bolsa bir şugul baryp ony Gully jinnege habar beripdir* (A. Gowşudow).

**ŞUGUL** [şuğul] **II**, *at.* Gurluşykda jaýyň diwarlaryny, burçlaryny dogry, göni çykarmak üçin ujuna agyr zat dakylyp, ýokardan aşak sallanýan eriş, kiriş.

**ŞUGULÇY** [şuğulçy], *at.* Biri hakda ýakymsyz, ýaramaz habar ýaýradýan adam, şugulçylyk bilen meşgullanýan adam, gepçi, şugul. *Şugulçy, gybatkeş arabozarlar, Doldurdy obany dürli "myş-myşdan"* (A. Kekilow).

**ŞUGULÇYLYK** [şuğulçuluk], *at.* Şugulça mahsus bolan gylyk-häsiýet, şugullyk. *Şu ýaşdan soň şugulçylyk edib-ä gün görjek däl* (B. Pürliýew).

**ŞUGULLAMA** [şuğullomo], *iş ady.* Şugullamak ýagdaýy.

**ŞUGULLAMAK** [şuğullomok], *işl.* Biri ýa-da bir zat hakynda bolan ýa bolmadyk wakany birine gizlin aýtmak. *"Her näme-de bolsa, dogany Hoşly molla muňa bir zat şugullandyr, şonuň üçinem bu meni çagyrandyr" diýip, pikir etdi* (A. Gowşudow).

**ŞUGULLAMAKLYK** [şuğullomokluk], *iş ady.* Şugullamak ýagdaýy.

**ŞUGULLAMAZLYK** [şuğullomozluk], *iş ady.* Birine ýamanlyk etmek niýeti bilen onuň eden zadyny başga birine aýtmak, ýetirmek, habar bermek.

**ŞUGULLANMAK** [şuğullonmok], *işl.* Biri hakynda şugul ýaýradylmak.

**ŞUGULLATMAK** [şuğullotmok], *işl.* Birine biri hakda şugul ýaýratdyrmak.

**ŞUGULLAÝYŞ** [şuğulloýuş], *iş ady.* Şugullamak ýagdaýy.

**ŞUGULLYK** [şuğulluk], *işl., ser.* **Şugulçylyk**. *Şugullyk etmek.*

**ŞUGUNDYR** [şuğunnur], *at.* **1**. Selmeler maşgalasyndan bolan uzyn süýri ýaprakly gök ekin. **2**. Şol ekiniň kökünde emele gelýän iýilýän gyzyl togalak hasyly. *Bir düýp şugundyr. Şugundyrlar düýpläp başlapdyr.*

**ŞUL**, *at.* Göze sowuk degmegi netijesinde döreýän göz ýaşarma keseli, göz agyrydan galan kesel. *Gan guýlan ýaly onuň ýüzüne, Agyryp şul tapan göze meňzeýär* (Ş. Kekilow).

**ŞULHA** [şulho], *at.* Mal iými üçin pagta çigidiniň gabyklaryndan, galyndylaryndan taýýarlanylýan önüm. *Mallara gyşyna şulha, silos, sarun, kepek berilýär.*

**ŞULLARMA** [şullormo], *iş ady.* Şullarmak ýagdaýy.

**ŞULLARMAK** [şullormok], *işl.* Şully bolmak, agyry, kesellilik zerarly suwjaryp durmak (göz hakynda). *Şally bolsa eliniň aýasy bilen şullaran körmüş gözlerini syryp: "Çöregi bitin eken" diýdi* ("Edebiýat we sungat").

**ŞULLARMAKLYK** [şullormokluk], *iş ady.* Şullarmak ýagdaýy.

**ŞULLARTMAK** [şullortmok], *işl.* Gözüňi gyzardyp, suwjardyp ýörmek. *Gözüni şullardyp, dört tarapa hat ýazyp, zyňyp otyr* (A. Durdyýew).

**ŞULLARYŞ** [şulloruş], *iş ady.* Şullarmak ýagdaýy.

**ŞULLY**, *syp.* Şul keseli degen, şul keselli. *Ýaşuly oňa şully gözüniň gytagyny aýlady* (B. Kerbabaýew).

**ŞUM**, *syp.* Erbet, ýaramaz, ýaman, pis. *Ogry şum, orramsy şum, belki ol şumdan beter* (Kemine). *Ol şum habara ynanjagyny-da bilmändir* (Ý. Durdyýew).

**ŞUMJARMA** [şumjormo], *iş ady.* Şumjarmak ýagdaýy.

**ŞUMJARMAK** [şumjormok], *işl.* Çala aglamjyramak, şumjarylmak. *Abdyryzagyň bolup durşy-da, aýdan sözi-de, ýeňsesine çalanda şumjaryp ötägitjek oglan däldigini açyk görkezip durdy* (B. Kerbabaýew).

**ŞUMJARMAKLYK** [şumjormokluk], *iş ady.* Şumjarmak ýagdaýy.

**ŞUMJARTMAK** [şumjortmok], *işl.* Şumjarmaga mejbur etmek.

**ŞUMJARYŞ** [şumjoruş], *iş ady.* Şumjarmak ýagdaýy.

**ŞUMJARYŞMAK** [şumjoruşmok], *işl.* Birnäçe bolup şumjarmak. *Näme, şumjaryşyp otyrsyňyz, turuň!*

**ŞUMLUK**, *at.* **1**. Ýaman, agyr ýagdaý, kynçylyk, görgi. *Mal eýesine çekmese – şumluk* (Nakyl). **2**. Erbetlik, ýaramazlyk, pislik. *Ol şumlukda aýyplanan şumroý garrynyň biridir* (N. Pomma).

**ŞUMROÝ** [şumro:ı], *syp.* Betnyşan, bedroý.

**ŞUMROÝLYK** [şumro:ıluk], *at.* Şumroý keşplilik, bedroýlyk, betnyşanlyk.

**ŞUNÇA** [şunço], *hal.* Şeýle derejede, köp, örän köp, juda kän. *Şunça pakyrlyga urdum özümi, Tilkilenip gezdim, adym gurt oldy* (Magtymguly). *Aşyklaryň, aýdymlaryň mekany, Şunça bakdym, senden gözüm doýmady* (M. Seýidow).

**ŞUNLUKDA** [şunlukdo], *giriş s.* Şunuň bilen birlikde, şunuň bilen, şeýlelikde. *Şunlukda, barmaly ýerimize birneme gijräk bardyk.*

**ŞUŇKAR**, *at, şahyr.* Aw awlaýan guş, laçyn. *Meňzäp şuňkara, humaýa, Albaýyma gelseň näder* (Zynhary).

**ŞURRUK**, *syp.* Suwuk, goýy däl (ýagsyz, içi huruşsyz çorba hakynda). *Şurruk çorba.*

**ŞUWLAMA** [şuwlomo], *iş ady.* Şuwlamak ýagdaýy.

**ŞUWLAMAK** [şuwlomok], *işl., ser.* **Şuwwuldamak**. *Ýalaňaç galan şahajyklar naýynjar şuwlady.*

**ŞUWLAMAKLYK** [şuwlomokluk], *iş ady.* Şuwlamak ýagdaýy.

**ŞUWLAŞMAK** [şuwloşmok], *işl., ser.* **Şuwwuldaşmak**.

**ŞUWLAÝYŞ** [şuwloýuş], *iş ady.* Şuwlamak ýagdaýy.

**ŞUWWULDAMA** [şuwwullomo], *iş ady.* Şuwwuldamak ýagdaýy.

**ŞUWWULDAMAK** [şuwwullomok], *işl.* Şuwwuldyly ses çykmak, şuwwuldyly seslenmek, şuwlamak. *Ýel misli bir gaýgyly heň çalýan ýaly şuwwuldaýardy.*

**ŞUWWULDAMAKLYK** [şuwwullomokluk], *iş ady.* Şuwwuldamak ýagdaýy.

**ŞUWWULDAŞMAK** [şuwwulloşmok], *işl.* Dumly-duşdan şuwwuldyly ses etmek. *Oklar şuwwuldaşyp geçýär.*

**ŞUWWULDY** [şuwwully], *at.* Güýçli ýeliň, atylýan okuň we ş.m. hereketi netijesinde çykýan örän zarply, çasly, gaty sesiň ady. *Bular böwürlerini diňşirgenip, gykylygyň haýsy ugurda çykanlygyny biljek boldular, şemalyň şuwwuldysyndan başga hiç hili ses eşidilmedi* (A. Gowşudow).

**ŞÜBHE** [şüvhö], *at.* Biri ýa-da bir zat hakynda betgümanlyk, şek, müňkürlik, güman.

**ŞÜBHELENDIRMEK** [şüvhölönnürmök], *işl.* Şübhe döretmek, şübhelenmäge mejbur etmek. *Bularyň agşamky üýtgeşik hereketleri Bahary şübhelendirdi* (A. Gowşudow).

**ŞÜBHELENME** [şüvhölönmö], *iş ady.* Şübhelenmek ýagdaýy.

**ŞÜBHELENMEK** [şüvhölönmök], *işl.* Birine ýa-da bir zada betgüman bolmak, şübhe etmek, müňkürlik, ynanmazlyk etmek. *Emma käbirleri bu işleriň ýerine ýetirip boljagyna şübhelenýän ýaly etdiler* (A. Gowşudow).

**ŞÜBHELENMEKLIK** [şüvhölönmöklük], *iş ady.* Şübhelenmek ýagdaýy.

**ŞÜBHELENMEZLIK** [şüvhölönmözlük], *iş ady.* Şübhe etmezlik.

**ŞÜBHELENIŞ** [şüvhölönüş], *iş ady.* Şübhelenmek ýagdaýy.

**ŞÜBHELI** [şüvhölü], *syp.* **1**. Birine ýa-da bir zada gümanly, şübhesi bolan, betgüman, müňkür, ynanmazlyk edýän. *– Bu nämäniň şatlygy? – diýip, Guwanç onuň ýüzüne şübheli seredýär* (N. Jumaýew). **2**. *göç.m.* Näbelli, nämälim, anyk bolmadyk, aýdyň däl, gümana. *Özüni ölümden gutaran adamyny tanamak, onda-da ozal diňe bir sapar özüni bir şübheli ýerde gören ýigidi tanamak we onuň bilen gürrüňdeş bolmak arzuwy Gurt gartyň ýüreginde joşup tolgunýardy* (A. Gowşudow).

**ŞÜBHELILIK** [şüvhölülük], *at.* Şübheli bolmaklyk, betgümanlyk, müňkürlik. *Ol adam şübhelilik bilen göz aýlady.*

**ŞÜBHESIZ** [şüvhösüz], *syp.* **1**. Şübheli däl, gümansyz, şeksiz. *Onuň şeýle boljagyna şübhesiz ynanýardy* (B. Pürliýew). **2**. *göç.m.* Gümansyz, gürrüňsiz, ikuçsuz, hökmany. *Üsti şeýle hasylly topragyň astynyň-da gudratynyň känligi şübhesizdir* (B. Kerbabaýew).

**ŞÜDÜGÄR** [şüdüğä:r], *at.* Ekin, hasyl ýygnalandan soň, sürlüp ýa-da agdarylyp goýlan ýer.

**ŞÜDÜGÄRLEME** [şüdüğä:rleme], *iş ady.* Şüdügärlemek ýagdaýy.

**ŞÜDÜGÄRLEMEK** [şüdüğa:rlemek], *işl.* Ekin, hasyl ýygnalandan soň, ýeri sürüp ýa-da agdaryp goýmak, şüdügär edip goýmak. *Ozaldan suwarymly ýerleri şüdügärlemek gerek.*

**ŞÜDÜGÄRLEMEKLIK** [şüdüğä:rlemeklik], *iş ady.* Şüdügärlemek ýagdaýy.

**ŞÜDÜGÄRLENMEK** [şüdüğä:rlenmek], *işl.* Şüdügär edilmek. *Ol ýabyň aňyrsyndan şüdügärlenen meýdanlar uzalyp gidýär.*

**ŞÜDÜGÄRLETMEK** [şüdüğä:rletmek], *işl.* Şüdügär etdirmek.

**ŞÜDÜGÄRLEÝIŞ** [şüdüğä:rleýiş], *iş ady.* Şüdügärlemek ýagdaýy.

**ŞÜDÜGÄRLIK** [şüdüğä:rlik], *at.* Şüdügär edilen ýerler, şüdügär edilip goýlan meýdan, giden şüdügär ýer.

**ŞÜKÜR**, *hal.* **1**. Kaýyl, razy. *Şükür, indi ýar mekany göründi, Gözüm düşdi sonam gezen ýerlere* ("Saýatly – Hemra"). *Hernä gözlerim abat galypdyr, şuňa-da şükür* (A. Gowşudow). **2**. Saglyk-amanlyk soraşylanda "gurgun, sag" diýen manyda ulanylýan söz. **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Şükür et!** "bolanyna, baryna razy bol" diýen manyda birine göwünlik bermek üçin ulanylýar. *Bu dünýäňe mahsus ähli zatlaryň, Senden sowlup geçmeýänne sükür et* (G. Ezizow).

**ŞÜKÜRLI** [şükürlü], *syp.* Kanagatly, sabyrly, sabyr-kanagat edýän.

**ŞÜLE** [şülö], *at.* Ýagy azrak, suwy köpräk guýlup, tüwüden bişirilýän nahar.

◊ **Süýtli şüle** süýtde gaýnadylyp bişirilýän tüwi. *Süýtli şüle bişirmek.*

**ŞÜWELEŇ** [şüvölöň], *at.* **1**. Şowhun, şagalaň, gyzgalaň, keýp, hezillik. *Baýram bolsa işe şüweleň berip: "Boluň, haýdaň!" diýip, käwagt aýdyma gygyryp işleýärdi* (A. Durdyýew). **2**. Sungatyň, medeniýetiň dürli görnüşleri görkezilýän jemgyýetçilik baýramçylygy. *Kino şüweleňi.*

**ŞÜWELEŇÇI** [şüvölöňçü], *at.* Şüweleňi halaýan.

**ŞÜWELEŇLI** [şüvölöňlü], *syp.* Şowhunly, şagalaňly, gyzgalaňly. *Näme üçindir, bularyň dymyşmasy hem şüweleňli nahar iýmesi uzaga çekmedi* (N. Pomma).

**ŞÜWLÜM**, *at.* **1**. *ser.* **Şüweleňli**. **2**. Ýakym, ýaramlylyk. *Diliniň şüwlümine görä, şähti biraz açylyp başlan Aýgül oňa ýylgyryp garanda, ýene degjek ýaly görünse-de, sözi halys ýürekden çykan ýoldaşlarynyňkyça eşidilmedi* (B. Kerbabaýew).

**ŞÜWLÜMLI**, *syp.* Işdä bilen iýilýän, iýmäge ýakymlydan ýaramly. *Tutan awlaryny bişirip,*

*çopanlar bilen şüwlümli nahar iýip, deňňenä deň şärik edipdirler* (N. Pomma).

**ŞWED** [şive:t], *at, ser.* **Şwedler**. *Şwed dili.*

**ŞWEDLER** [şive:tler], *at.* Şwesiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ŞWEÝSARIÝALY** [şiveýsa:riýaly], *ser.* **Şweýsariýalylar**.

**ŞWEÝSARIÝALYLAR** [şiveýsa:riýalylar], *at.* Şweýsariýanyň ýerli halklary, ýerli ilaty.

**ŞYBGA [**şyvğa**]**, *at, gepl.d.* Iýerlik zat. *Ol gazananja pullarynyň bolgusyzlar üçin bäş gün şybga bolanyny islänokdy.*

**ŞYBYK** [şyvyk], *at.* Baş tarapyndaky okarajygyna temmäki guýlup çilim çekilýän naýly enjam.

**ŞYBYRDAMA** [şyvyrdama], *iş ady.* Şybyrdamak ýagdaýy.

**ŞYBYRDAMAK** [şyvyrdamak], *işl.* Şybyrdyly ses etmek, şybyrdyly ses çykarmak, şybyrdyly seslenmek. *Dünýä çal çäkmenini geýnip, iňňän ujy ýaly owunjak ýagyş şybyrdap başlady* (B. Kerbabaýew).

**ŞYBYRDAMAKLYK** [şyvyrdamaklyk], *iş ady.* Şybyrdamak ýagdaýy.

**ŞYBYRDAŞMAK** [şyvyrdaşmak], *işl.* Şybyrdyly seslenmek. *Gollaryny çar tarapa ýaýan hem başyny belent tutup oturan goçak agajyň eliň aýasy bilen kybapdaş ýapraklary öwüsýän ýuwaşja şemala şybyrdaşýardy* (A. Nazarow).

**ŞYBYRDATMAK** [şyvyrdatmak], *işl.* Şybyrdyly ses döretmek, şybyrdyly ses çykarmak. *Şemal agaçlaryň ýapraklaryny şybyrdatdy.*

**ŞYBYRDAÝYŞ** [şyvyrdaýyş], *iş ady.* Şybyrdamak ýagdaýy.

**ŞYBYRDY** [şyvyrdy], *at.* Ýagyş ýaganda, şemal agaçlaryň, ösümlikleriň ýapraklaryny yrgyldadanda şybyrdap çykýan sesiň ady. *Asmandan inýän suwuň şybyrdysy, her hili gülleriň tolkun atyp gelýän yslary ýadyňa köp zatlary salýar* (B. Pürliýew).

**ŞYBYR-ŞYBYR** [şyvyr-şyvyr], *s.ş.aňl.söz.* Ýagyş ýaganda, şemal agaçlaryň, ösümlikleriň ýapraklaryny yrgyldadanda we ş.m. ýagdaýlarda döreýän ses. *Ýagyş ilkagşamdan şybyr-şybyr saz edip, agaçlaryň tylla ýapragyny ýuwdy.*

**ŞYGAR** [şyğa:r], *at.* **1**. Esasy, baş pikiri, meseläni, syýasy talaby aňladýan gysga ýüzlenme, çagyryş. **2**. Ýüzlenme ýa-da çagyryş mazmunly ýazylan wagyz.

**ŞYGGYLDY** [şyğğylly], *at.* Gaýnajak bolup duran suwuň, käbir zadyň hereketinde döreýän sesiň ady. *Uçar birneme silkinýär we ýygnalýan tigirleriň häsiýetli şyggyldysy eşidilip başlaýar* ("Watan").

**ŞYGLAMA** [şyğlama], *iş ady.* Şyglamak ýagdaýy.

**ŞYGLAMAK** [şyğlamak], *işl.* Şyggyldyly ses etmek, şyggyldyly ses çykarmak, şyggyldyly seslenmek; gaýnamaga ýakynlamak (suw hakynda). *Elindäki sübsäni hol aňyrda goýdy-da, ýaňy şyglap ugran güpüň oduny ölçerişdirdi* ("Türkmenistan").

**ŞYGLAŞMAK** [şyğlaşmak], *işl.* Birnäçe kitir, semawar şyglamak. *Şyglaşyp dur iki sany, Örän ullakan semawar* (Ç. Aşyrow).

**ŞYGLATMAK** [şyğlatmak], *işl.* Şyglamak derejesine ýetirmek, şyg-şyg etdirip seslendirmek. *Semawary şygladyp goýmak.*

**ŞYGLAÝYŞ** [şyğlaýyş], *iş ady.* Şyglamak ýagdaýy.

**ŞYGRYÝET** [şyğryýet], *at.* Şygyr bilen ýazylan eserler.

**ŞYGYR** [şyğyr], *at.* Belli bir ölçegde ýazylýan şahyrana çeper eser, goşgy. *Bir şygyr döretdim seniň yşkyňa, Ýene ýüz şygyrlyk sözlerim gurban* (M. Seýidow).

◊ **Ak şygyr** setirleriniň kapyýalaşmagy hökmany bolmadyk goşgy şekili.

**ŞYGYRDAMA** [şyğyrdama], *iş ady.* Şygyrdamak ýagdaýy.

**ŞYGYRDAMAK** [şyğyrdamak], *işl.* Şygyrdyly ses çykmak, şygyrdyly ses etmek, şygyrdyly seslenmek. *Şemala üzümiň ýapraklary şygyrdady.*

**ŞYGYRDAMAKLYK** [şyğyrdamaklyk], *iş ady.* Şygyrdamak ýagdaýy.

**ŞYGYRDAŞMAK** [şyğyrdaşmak], *işl.* Birnäçe, köp zat köpçülikleýin şygyrdamak. *Beýik erik agajynyň ýapraklary şygyrdaşyp seslenýär, şemalyň ugruna gaýyşyp düşýärdiler* (A. Gowşudow).

**ŞYGYRDATDYRMAK** [şyğyrdatdyrmak], *işl.* Şygyr-şygyr etdirtmek.

**ŞYGYRDATMAK** [şyğyrdatmak], *işl.* Şygyrdamaga mejbur etmek, şygyrdamak katdyna ýetirmek, şygyrdyly ses döretmek. *Öwsen şemal guran gamyşlary şygyrdatdy.*

**ŞYGYRDAÝYŞ** [şyğyrdaýyş], *iş ady.* Şygyrdamak ýagdaýy.

**ŞYGYRDY** [şyğyrdy], *at.* Bir zadyň başga bir zada degmegi, hereket, gymyldy we ş.m. sebäpli döreýän sesiň ady. *Gijeleri hem şol tamyň üstünde oturyp töweregine ser salýardylar, şygyrdylara gulak asýardylar* (A. Gowşudow).

**ŞYH** [şy:h], *at.* **1**. Ýokary musulman ruhanylarynyň wekili, diniň taglymatçysy we kanunçysy. **2**. Oglana dakylýan at.

**ŞYHMÜTÜR** [şy:hmütür], *at.* Daňlan, baglanan malyň ýüpi çolaşmazlyk üçin demirden ýasalan enjam (*ser.* **Jykyryk**). *Zynjyrlaryň şyhmütüri bolmasa, kä itleriň zynjyry towlap-towlap, ahmal edip goýmasy bardy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Şyhmütürini towlamak** etmesiz zady gaýdyp etmez ýaly etmek. *Baý, men olaryň dilini tapyp, şyhmütürini towlamaga ökdedirin-ä – diýip, Nurbibi onuň egnine kakyp, jak-jaklap güldi* (N. Pomma).

**ŞYKGY I**, *at.* Düzüminde toýun garyndysy bolan gaty toprak, toýun. *Ýabyň içine böküp girende, şykgy gatyşykly mäzleşik laý onuň aýagynyň aşagynda moýmuldady* (B. Öwezow).

**ŞYKGY II**, *at.* Doly gatamadyk ýumşak pile.

**ŞYKGYLDAMA** [şykgyllama], *iş ady.* Şykgyldamak ýagdaýy.

**ŞYKGYLDAMAK** [şykgyllamak], *işl.* Bir zat ikinji bir zada çala degende, uly sagat ýörände we ş.m. ýagdaýda şykgyldyly ses çykmak.

**ŞYKGYLDAMAKLYK** [şykgyllamaklyk], *iş ady.* Şykgyldamak ýagdaýy.

**ŞYKGYLDAŞMAK** [şykgyllaşmak], *işl.* Birnäçe zat şykgyldyly ses çykarmak.

**ŞYKGYLDATMAK** [şykgyllatmak], *işl.* Şyk-şyk edip ses döretmek. – *Garaz, bir zat hasaplasaň bolar-da – diýip, şykgyldadyp, çalt-çalt çot kakmaga başlady* (N. Jumaýew).

**ŞYKGYLDAÝYŞ** [şykgyllaýyş], *iş ady.* Şykgyldamak ýagdaýy.

**ŞYKGYLDY** [şykgylly], *at.* Bir zat ikinji bir zada çala degende, uly sagat ýörände we ş.m. ýagdaýda döreýän sesiň ady. *Gadymy asma sagadyň diliniň şykgyldysy.*

**ŞYK-ŞYK-ŞYK**, *s.ş.aňl.söz.* Uly sagat ýörände, çot kakylanda yzly-yzyna çykýan sesler. *Gazaply kazy deý mydam başymda, Sagat çot kakyp dur şyk-şyk-şyk* (G. Ezizow).

**ŞYKYRDAMA**, *iş ady.* Şykyrdamak ýagdaýy.

**ŞYKYRDAMAK**, *işl.* Şykyrdawuk zatlar ellenende, gutynyň içindäki gaty zatlar biri-birine degende ş.m. ýagdaýlarda şykyrdyly seslenmek. *Şol wagt gapynyň kiçijik gapyjygy çalaja şykyrdady* (B. Kerbabaýew). *Şykyrdap duran onluk manat.*

**ŞYKYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Şykyrdyly seslenmezlik.

**ŞYKYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat şykyrdyly seslenmek.

**ŞYKYRDATDYRMAK**, *işl.* Şykyrdatmaga ýol bermek.

**ŞYKYRDATMAK**, *işl.* Şykyrdyly ses döretmek. *Ol öňünde duran çäýnegiň gapagyny oýnap, şykyrdadyp dymdy* (A. Gowşudow).

**ŞYKYRDAWUK** [şykyrdowuk], *syp.* Ellenende, deglende şykyrdyly ses edýän, şykyrdap duran. *Şykyrdawuk kagyz.*

**ŞYKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Şykyrdamak ýagdaýy.

**ŞYKYRDY**, *at.* Şykyrdawuk zatlar ellenende, gutynyň içindäki gaty zatlar biri-birine degende ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady.

**ŞYKYR-ŞYKYR**, *s.ş. aňl.söz.* Şykyrdawuk zatlar ellenende, gutynyň içindäki gaty zatlar biri-birine degende ş.m. ýagdaýlarda yzly-yzyna çykýan sesler.

**ŞYKYRT**, *s.ş.aňl.söz.* Gutynyň içindäki gaty zat başga bir gaty zada ýa-da gabyň özüne degende ş.m. ýagdaýda çykýan ses. *Şaýylyk pul şykyrt edip ýere gaçdy.*

**ŞYLHA**, *at.* Sary gaçan, ýyrtylan, köne-sana, sal-sal (geýim). *Kimden galan şylha sen, şeýle mazaly içmek* (Kemine).

**ŞYLHA-ŞYLHA**, *syp.* Ýyrtyk-ýyrtyk, sal-sal, eleşan bolan (geýim).

**ŞYLTAK**, *at.* Birine nähak ýerden atylýan töhmet, ýalan günä. *Barlag geçirilenden Hoja ýapylan şyltaklar puç boldy* (K. Berdiýew).

**ŞYLTAKÇY**, *at.* Şyltak, töhmet atýan adam.

**ŞYŇŇYRDAMA**, *iş ady.* Şyňňyrdamak ýagdaýy.

**ŞYŇŇYRDAMAK**, *işl.* Gelin-gyzlaryň şelpe, düwme ýaly şaý-sepi biri-birine degende şyňňyrdyly seslenmek, şyňňyr-şyňňyr etmek. *Sümsüleler iki baka yranyşyp, biri-birine çaknyşýar-da, çala şyňňyrdaýar* (B. Kerbabaýew).

**ŞYŇŇYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Şyňňyrdamak ýagdaýy.

**ŞYŇŇYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Şyňňyrdyly ses çykarmazlyk.

**ŞYŇŇYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe düwme, şelpe şyňňyrdamak.

**ŞYŇŇYR-ŞYŇŇYR**, *s.ş.aňl.söz.* Gelin-gyzlaryň şelpe, düwme ýaly şaý-sepleri yzly-yzyna biri-birine degende çykýan sesler.

**ŞYŇŇYRT**, *s.ş.aňl.söz.* Gelin-gyzlaryň şelpe, düwme ýaly şaý-sepi biri-birine degende çykýan ses. *Şyňňyrt etmek.*

**ŞYPA** [şypa:], *at.* **1**. Janyňa ýakymly täsir. *Dostlukdan köňüller şypa tapýar.***2**. Edilýän emden gelýän haýyr, peýda. *Tebibiň olmasa duçar, niçik şypa tapar bimar* (Seýdi).

**ŞYPALY** [şypa:ly], *syp.* Janyňa ýakymly, ýaramly, oňat täsir edýän, lezzetli. *Umuman, tebigatyň häzirki ýagdaýy ýaşamak üçin jana şypalydy* (H. Derýaýew).

**ŞYPBYK**, *at.* Gaýyş we ş.m. zatlardan tikilen apgyrtsyz ýeňil köwüş. *Aýagyndaky şypbyk köwüşlerini hem taşlap ylgapdyr* ("Myraly").

**ŞYPBYLDAMA**, *iş ady.* Şypbyldamak ýagdaýy.

**ŞYPBYLDAMAK**, *işl.* Şypbyldyly ses çykmak, şypbyldyly ses etmek, şypbyldyly seslenmek. *Aýnadan irginsiz damýan ýagşyň şypbyldysy eşidilýärdi* ("Nesil").

**ŞYPBYLDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zatdan şypbyldyly ses çykmak.

**ŞYPBYLDATMAK**, *işl.* Şypbyldyly seslendirmek.

**ŞYPBYLDAÝYŞ**, *iş ady.* Şypbyldamak ýagdaýy.

**ŞYPBYLDY**, *at.* Ýeňil aýakgaply, şypbyk köwüşli ýörelende ýa-da damja damanda döreýän sesiň ady. *Daş gapydan aýak sesiniň şypbyldysy eşidildi.*

**ŞYP-ŞYP**, *s.s.aňl.söz.* Ýeňil aýakgaply, şypbykly ýörelende, damja damanda we ş.m. ýagdaýda döreýän ses.

**ŞYPYLJABERMEK** [şypylja:vermek], *işl.* Şypyljap ugramak, şypyljap başlamak.

**ŞYPYLJAMA,** *iş ady.* Şypyljamak ýagdaýy.

**ŞYPYLJAMAK,** *işl.* **1**. Ýüzi suwjaryp durmak. *Ýaranyň ýüzi şypyljap dur.* **2**. Köp durup zaýalanyp ugramak (et hakynda). *Et şypyljapdyr.*

**ŞYPYLJAMAKLYK,** *iş ady.* Şypyljamak ýagdaýy.

**ŞYPYLJAMAZLYK**, *iş ady.* Şypyljamak katdyna ýetmezlik.

**ŞYPYLJATMAK**, *işl.* **1**. Suwjartmak, suwjarar ýaly etmek (ýara hakynda). **2**. Köp sakladyp zaýalatmak. *Eti ýyly ýerde şypyljatmak.*

**ŞYPYLJAÝYŞ,** *iş ady.* Şypyljamak ýagdaýy.

**ŞYPYLJYK,** *işl.* Şypyljap duran, ýapyşagan, ýelmeşegen. *Onuň üstünden gaýnag suw guýlan ýaly bolup, bütin bedeninden şypyljyk der indi* (H. Derýaýew).

**ŞYPYRDAMA,** *iş ady.* Şypyrdamak ýagdaýy.

**ŞYPYRDAMAK**, *işl.* Ýagyş ýagyp, ýere ýa-da başga bir zadyň üstüne gaçanda şypyrdyly ses çykmak.

**ŞYPYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zatdan şypyrdyly ses çykmak. *Gurap ýere gaçan ýapraklara ýagyş damjalary degende şypyrdaşyp ses edýärdiler.*

**ŞYPYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Şypyrdamak ýagdaýy.

**ŞYPYRDY**, *at.* Ýagyş ýagyp, ýere ýa-da başga bir zadyň üstüne gaçanda çykýan sesiň ady. *Ýagşyň şypyrdysy.*

**ŞYPYRMA**, *at.* Etegi tüýli, depesiniň tüýi iç ýüzüne edilen, zommagrak görnüşde tikilýän telpek, ýatyş telpegi. *Ol köne şypyrmasy bilen ýüzüniň tozanyny süpürdi* (B. Kerbabaýew).

**ŞYPYRMALY**, *syp.* Şypyrma geýen. *Indi ol aýagy çarykly, başy şypyrmaly, bili kendir guşakly çopan ýok* ("Edebiýat we sungat").

**ŞYR**, *syp.* Hiç zat gögermedik, bitmedik (takyr ýer, adamyň kellesi hakynda). *Şyr takyr. Şyr kelle.*

◊ **Şyr päki** gowulygyna, erbetligine düşünip bolmaýan adam, birden beýleligine üýtgäp durýan, öwsüp duran adam. *Ol bir şyr päkidir, ýüpüniň üstünde odun goýup bolmaz.* **Şyry çykmak** gaty könelmek, köp geýlip, şylhasy çykmak. *Şyry çykan ädik.*

**ŞYRDAK**, *at.* Depesine mata tutulyp tikilýän bagana telpek. *Egesi baý gaharyna başyndaky şyrdagyny-da çykaryp, onuň öňüne bulap urdy* (N. Pomma).

**ŞYRDAKLY**, *syp.* Şyrdak telpekli, şyrdak telpek geýen. *Ol depesi solgun gyzyl şyrdakly, gytyk goňur telpegini goltugyna gysyp, ýerinden galdy* (B. Kerbabaýew). *Olar ýandak petdelerini pil bilen çapyşdyryp duran bir şyrdakly adamynyň ýanyna bardylar* (N. Pomma).

**ŞYRKY**, *syp.* Açyk sary (reňk).

**ŞYRKYLDAMA** [şyrkyllama], *iş ady.* Şyrkyldamak ýagdaýy.

**ŞYRKYLDAMAK** [şyrkyllamak], *işl.* Şyrkyldyly ses çykmak.

**ŞYRKYLDAMAKLYK** [şyrkyllamaklyk], *iş ady.* Şyrkyldamak ýagdaýy.

**ŞYRKYLDAMAZLYK** [şyrkyllamazlyk], *iş ady.* Şyrkyldyly ses çykarmazlyk.

**ŞYRKYLDAŞMAK** [şyrkyllaşmak], *işl.* Birnäçe zatdan şyrkyldyly ses çykmak.

**ŞYRKYLDATMAK** [şyrkyllatmak], *işl.* Şyrk-şyrk etdirip ses çykarmak. *Çalasynlyk bilen barmaklaryny syrkyldatdy* ("Edebiýat we sungat"). *Gapyny şyrkyldadyp ýapdy.*

**ŞYRKYLDAÝYŞ** [şyrkyllaýyş], *iş ady.* Şyrkyldamak ýagdaýy.

**ŞYRKYLDY** [şyrkylly], *iş ady.* Demir we ş.m. zatlar biri-birine degende, gapy ýaly zatlar açylyp-ýapylanda döreýän sesiň ady.

**ŞYRLAMA**, *iş ady.* Şyrlamak ýagdaýy.

**ŞYRLAMAK**, *işl.* Ýabyň düýbi bilen akýan suw şyrryldyly seslenmek, şyrryldamak, şyr-şyr etmek (*ser.* **Şirlemek**). *Şyrlap akmak.*

**ŞYRLAMAKLYK**, *iş ady.* Şyrlamak ýagdaýy.

**ŞYRLAŞMAK**, *işl.* Az möçberdäki akar suw şyr-şyr edip seslenip akmak. *Salmalardan şyrlaşyp akýan suwlar gawun joýalaryny doldurypdy.*

**ŞYRLATMAK**, *işl.* Az suw goýberip akdyrmak.

**ŞYRLAÝYŞ**, *iş ady.* Şyrlamak ýagdaýy.

**ŞYRPYLDAMA** [şyrpyllama], *iş ady.* Şyrpyldamak ýagdaýy.

**ŞYRPYLDAMAK** [şyrpyllamak], *işl.* Mata, ýüp gaýçy, syndy bilen çalasyn gyrkylanda şyrpyldyly ses çykmak.

**ŞYRPYLDAMAKLYK** [şyrpyllamaklyk], *iş ady.* Şyrpyldamak ýagdaýy.

**ŞYRPYLDAMAZLYK** [şyrpyllamazlyk], *iş ady.* Şyrpyldyly hereket etmezlik.

**ŞYRPYLDAŞMAK** [şyrpyllaşmak], *işl.* Şyrp-şyrp edip kesmek, gyrkmak, gyrmak (köp sanly gaýçy, syndy hakynda). *Şyrpyldaşýan syndylaryň sesi eşidilýärdi.*

**ŞYRPYLDATMAK** [şyrpyllatmak], *işl.* Şyrpyldyly seslendirip, kesip goýbermek (matanyň bir bölegi, ýüp hakynda).

**ŞYRPYLDAÝYŞ** [şyrpyllaýyş], *iş ady.* Şyrpyldamak ýagdaýy.

**ŞYRPYLDY** [şyrpylly], *at.* Bir zat başga bir ýere gaty degende, gaýçy bilen çalasyn gyrkylanda we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady.

**ŞYRRYLDAMA** [şyrryllama], *iş ady.* Şyrryldamak ýagdaýy.

**ŞYRRYLDAMAK** [şyrryllamak], *işl. ser.* **Şyrlamak**. *Suw şyrryldap akýar.*

**ŞYRRYLDAMAKLYK** [şyrryllamaklyk], *iş ady.* Şyrryldamak ýagdaýy.

**ŞYRRYLDAMAZLYK** [şyrryllamazlyk], *iş ady.* Akanda şyr-şyr etmezlik, syrryldap seslenmezlik.

**ŞYRRYLDAŞMAK** [şyrryllaşmak], *işl.* Köp ýerde şyrryldyly seslenip akmak.

**ŞYRRYLDATMAK** [şyrryllatmak], *işl.* Şyr-şyr etdirip, çala akdyrmak.

**ŞYRRYLDAÝYŞ** [şyrryllaýyş], *iş ady.* Şyrryldamak ýagdaýy.

**ŞYRRYLDY** [şyrrylly], *at.* Suw çala akanda döreýän sesiň ady. *Ternawdan akýan suwuň şyrryldysy galmady.*

**ŞYR-ŞYR**, *s.ş.aňl.söz.* Suw aşaklygyna çala akanda döreýän ses. *Şyr-şyr edip akmak.*

**ŞYTDYLDAMA** [şytdyllama], *iş ady.* Şytdyldamak ýagdaýy.

**ŞYTDYLDAMAK** [şytdyllamak], *işl.* Üstünden düşýän agram sebäpli şytdyldyly ses çykmak, şytdyldyly seslenmek, şyt-şyt etmek. *Köne pürsler agrama çydaman şytdyldaýardy.*

**ŞYTDYLDAMAKLYK** [şytdyllamaklyk], *iş ady.* Şytdyldamak ýagdaýy.

**ŞYTDYLDAŞMAK** [şytdyllaşmak], *işl.* Birnäçe zatdan şytdyldyly ses çykmak.

**ŞYTDYLDATMAK** [şytdyllatmak], *işl.* Şyt-şyt etdirmek.

**ŞYTDYLDAÝYŞ** [şytdyllaýyş], *iş ady.* Şytdyldamak ýagdaýy.

**ŞYTDYLDY** [şytdylly], *at.* Berk, gaty zatlar çat açanda, agaç ýaý berende we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady. *Ýanyp duran tut agaçlarynyň şytdyldysy galmady.*

**ŞYTYRDAMA**, *iş ady.* Şytyrdamak ýagdaýy.

**ŞYTYRDAMAK**, *işl.* Agram düşüp şytyrt etmek, şytyrdyly seslenmek. *Oglanjygyň münen şahasy çalaja şytyrdady.*

**ŞYTYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Şytyrdamak ýagdaýy.

**ŞYTYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zatdan şytyrdyly ses çykmak.

**ŞYTYRDATMAK**, *işl.* Agaja, onuň şahasyna agramyňy salyp, şytyrdamak derejesine ýetirmek.

**ŞYTYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Şytyrdamak ýagdaýy.

**ŞYTYRDY,** *at.* Gury, gaty zat, odun-çöp döwlende, ýagyş damjalanda we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady.

# T

**T**, Türkmen elipbiýiniň ýigrimi dördünji harpy.

**TABA** [ta:va], *ser.* **Saç.**

**TABAK** [ta:vak], *at.* **1**. Nahar iýmek üçin ulanylýan okara, jam ýaly gaplaryň umumy ady. *Aýrana gelen tabagyny gizlemez* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Içi naharly gap. *Ol tabak çekilýänçä, özüne bir güýmenje tapdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Keçä salynýan tegelek nagyş.

**TABAKDAŞ** [ta:vakdaş], *at.* Biri bilen bir tabakdan nahar iýýän, bile bir tabakdan naharlanýan (adam).

**TABAKLAMA** [ta:vaklama], *iş ady.* Tabaklamak ýagdaýy.

**TABAKLAMAK** [ta:vaklamak], *işl.* Tabaga salmak, tabak bilen almak.

**TABAKLAMAKLYK** [ta:vaklamaklyk], *iş ady.* Tabaklamak ýagdaýy.

**TABAKLAÝYŞ** [ta:vaklaýyş] *iş ady.* Tabaklamak ýagdaýy.

**TABAMA** [ta:vama], *iş ady.* Tabamak ýagdaýy.

**TABAMAK** [ta:vamak], *işl.* Ýaňy ösüp başlamak, çykyp ugramak (sakgal, murt hakynda). *Murty taban*.

**TABAMAKLYK** [ta:vamaklyk], *iş ady.* Tabamak ýagdaýy.

**TABLISA** [tavli:sa], *at.* Maglumatlaryň we ş.m. sanawy, olaryň aýry-aýry grafalardaky ýazgysy.

**TABAÝYŞ** [ta:vaýyş], *iş ady.* Tabamak ýagdaýy.

**TABLISA** [tavli:sa], *at. Belli bir sistema salnan s*an bilen baglanyşykly ýa-da beýleki maglumatlaryň grafalar boýunça ýerleşdirilen sanawy. *Ligarifmler tablisasy. Nyrhlar tablisasy. Tablisa girizmek, goşmak. Mendeleýewiň tablisasy (D.I.Mendeleýewiň himiki elementleriň periodik sistemasy). Statistik maglumatlary tablisalara geçirmek. Köpeltmek tablisasy.*

**TABŞYRMA** [tavşyrma], *iş ady.*Tabşyrmak ýagdaýy.

**TABŞYRMAK** [tavşyrmak], *işl.* **1**. Biriniň üstüne bir zady ýerine ýetirmek borjuny ýüklemek, tabşyryk bermek. **2.** Birine bir zady gaýta-gaýta aýtmak. *Men saňa gijä galma diýip öwran-öwran tabşyrdym ahyry.* **3**. Öz ýerine ýetirýän işini başga birine bermek. *Nobatçylygy tabşyrmak*. **4.** Bir zady eýesine bermek, gowşurmak. *Kitaphanadan alan kitaplaryňy tabşyrmak.***5**. Bilim derejäň anyklanýan synagdan üstünlikli geçmek. *Hemme sapaklaryňy 5-lik baha tabşyrmak.*

**TABŞYRMAKLYK** [tavşyrmaklyk], *iş ady.* Tabşyrmak ýagdaýy.

**TABŞYRMAZLYK** [tavşyrmazlyk], *iş ady.* Tabşyrmak işini amal etmezlik.

**TABŞYRTMAK** [tavşyrtmak], *işl.* Tabşyrmagy başga biriniň üstüne ýüklemek, tabşyrmaga mejbur etmek. *Daýhanlara gök önümleri wagtynda tabşyrtmak gerek.*

**TABŞYRYK** [tavşyryk], *at.* **1**. Birine tabşyrylan iş, görkezme. **2**. Birine berilýän nesihat, wesýet, maslahat.*Bu bolsa ýaşulularyň tabşyrygydy* (A. Gowşudow). **3**. Birine belli bir möçberde buýrulan ýumuş. *Akmyrat, sen mugallymyň düýnki tabşyrygyny eýýäm ýadyňdan çykardyňmy?* (A. Durdyýew). **4**. Nädogry edilen iş, hereket üçin berilýän duýduryş, käýinç. *Şeýle işleri üçin Pökgene birnäçe sapar berk tabşyryklar hem berlipdi* (A. Gowşudow).

**TABŞYRYLMAK** [tavşyrylmak], *işl.* **1**. Birine bir ýumuş, iş etmek, iş buýrulmak. *Men tabşyrylan işi edip, hakymy alýaryn* (B. Seýtäkow). **2**. Nygtalyp aýdylmak, nesihat edilmek. *Şondan soň gürrüň iş hakynda başlanda brigadirlere edilmeli işler tabşyryldy* (A. Gowşudow). **3**. Bir zat berilmek, gowşurylmak, geçirilmek. *Etrap boýunça bir günde ýyllyk borçnamanyň 2,3 göterimine barabar pagta tabşyryldy* ("Türkmenistan"). **4**. Birine bir zat ýüklenmek, borçly edilmek. *Çagalar öýüniň birine ýolbaşçylyk etmeklik maňa tabşyryldy* ("Nesil").

**TABŞYRYŞ** [tavşyryş], *iş ady.* Tabşyrmak ýagdaýy. *Onuň okan derslerinden synag tabşyryşy köplere görelde bolsun.*

**TABŞYRYŞDYRMAK** [tavşyryşdyrmak], *işl.* **1**. Birnäçe işi, ýumşy ýerine ýetirmegi başga adamlara tabşyryp çykmak. *Ol öz işgärlerine ertir pagta ýygmaga gitmegi tabşyryşdyrdy.* **2**. Birnäçe zady eltmeli ýerine gowşurmak, kabul edýän edara bermek. *Häzir Gözel eje birinji orny alyp, halylaryny tabşyryşdyrdy* (A. Gowşudow).

**TABYN** [ta:vy:n], *syp.* **1**. Boýun egen. **2**. Garaşly bolan.

**TABYNLYK** [ta:vy:nlyk], *at.* **1**. Tabyn ýagdaýda bolmaklyk.

**TABYRDAMA** [tavyrdama], *iş ady.* Tabyrdamak ýagdaýy.

**TABYRDAMAK** [tavyrdamak], *işl., ser.* **Tapyrdamak**. *Akmaýa tabyrdap galan köşekden gorkusyna ýykyldy* (B. Kerbabaýew).

**TABYRDAMAKLYK** [tavyrdamaklyk], *iş ady.* Tabyrdamak ýagdaýy.

**TABYRDAMAZLYK** [tavyrdamazlyk], *iş ady.* Tabyrdyly hereket etmezlik.

**TABYRDAŞMAK** [tavyrdaşmak], *iş ady.* Bile tabyrdamak, köp bolup tabyrdamak. *Tabyrdaşyp galan taýçanaklar, göýä bir zatdan ürken ýaly, ümdüzine tutdurdylar.*

**TABYRDATMAK** [tavyrdatmak], *işl.* Tabyrdyly aýak sesini çykarmak.

**TABYRDAÝYŞ** [tavyrdaýyş], *iş ady.* Tabyrdamak ýagdaýy. *Atlaryň tabyrdaýşy gulaga diýseň ýakymly eşidilýärdi.*

**TABYRDY** [tavyrdy], *at.* Mal-gara goşulyşyp çapyşanda, tarsa ýerinden turanda we ş.m. ýagdaýda döreýän aýak sesiniň ady, tapyrdy. *Mes atlaryň zarp bilen inýän ykjam toýnaklary tabyrdy turuzýar* (B. Kerbabaýew).

**TABYRDYK** [tavyrdyk], *at.* Şahly iri mallara, dowarlara, düýelere degýän ýokanç kesel.

**TABYT** [ta:vyt], *at.* Üstünde öliniň jesedini goýup götermek üçin agaçdan ýasalan enjam. *Ýer goýnuna girdi münüp tabytlar, Magtymguly aýdar, deň-duş ýigitler* (Magtymguly). *Serwiden tabyt kylyp, gülden kepen etmek gerek* ("Myraly").

**TAGA** [tağa], *at, k.d.* Daýy. *Tagalarym, tagalarym, Hassa bolsam, sagalaram, Eşidiň beg-agalarym, Nejebe gurbana geldim* ("Nejep oglan").

**TAGAÇJYP** [tağaçjyp], *at, k.d.* Geň-enaýy, ajaýyp, täsin üýtgeşik. *Şerh eýlesem, şahym, biziň ýerleri, Gör neneň tagaçjyp illeri bardyr* (Magrupy). *Mamanyň uklaman, horlaman ýatmagy örän tagaçjyp bir zatdy* (B. Kerbabaýew).

**TAGALA** [tağala:], *at, dini.* Beýik, belent, uly.

◊ **Hak tagala** beýik mertebeli hudaý. *Hak tagala razy kyldy beýle hikmetni bizge* (Talyby). **Hudaý tagala** *ser.* **Hak tagala**.

**TAGALLA** [tağalla:], *at.* Bir zady berjaý etmek üçin edilýän hereket.

**TAGAM** [tağam], *at.* **1**. Daşky ýedi duýgynyň agzyň nemli bardasy tarapyndan duýulýan görnüşi. **2**. Naharyň, her bir iýilýän iýmitiň we ş.m. agzyň, diliň bilen duýulýan aýratynlygy. *Palawyň tagamy gaty gowy eken.* **3**. *şahyr.* Nahar. *Tagam berseň, bergil aja, Daýangyn egri gylyja* ("Görogly"). **4**. *göç.m.* Bir zatdan alynýan lezzet, dat, eşret. *Leb üstüne leb goýup sen, zerre tagam bilmediň* (Magtymguly).

**TAGAM-LEZZET** [tağam-lezzet], *at.* **1**. Iýmitiň ýa-da ir-iýmişiň we ş. m. zadyň agzyňa ýaraýän tagamy, onuň zelleti. *Bu hem çörek ornuna getirilen zat bolmaga çemeli, tagamy-lezzeti ýokdy* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Bir zatdan alynýan lezzet, eşret, dat.

**TAGAMLY** [tağamly], *syp.* Tagamy gowy, tagamy göwnüňe ýaraýan, datly. *Tagamly nahar.*

**TAGAMLYLYK** [tağamlylyk], *at.* Tagamy barlyk, tagamly bolmaklyk.

**TAGAMNAMA** [tağamna:ma], *at.* Naharlaryň atlary ýazylan sanaw kagyzy (naharhanalarda).

**TAGAMSYZ** [tağamsyz], *syp.* Tagamly däl. *Çorba Myradyň agzyna tagamsyz, duzsuz ýaly degdi* (B. Kerbabaýew).

**TAGAMSYZLYK** [tağamsyzlyk], *at.* Tagamly bolmazlyk, tagamy, lezzeti ýokluk, datsyzlyk.

**TAGAM-TAGSYR** [tağam-tağsy:r]: **tagam-tagsyry ýok** tagamy, lezzeti ýok. *Asyl bu naharyň tagam-tagsyry ýok eken.*

**TAGAN** [ta:ğan], *at.* **1**. Üstünde gazan, taňka we ş. m. goýlup, nahar bişirilýän üç aýakly demir enjam. *Tagan aýagy üç bolar, biri-birine güýç bolar* (Nakyl). **2**. Oglana dakylýan at.

**TAGANAÝAK** [ta:ğanaýak], *at. haýwanat d.* Suwuň ýüzünde ýüzüp ýörýän, çybyna meňzeş möjejik. *Güzeriň ýüzünde taganaýaklar okgunly gaýmalaşýardy* ("Edebiýat we sungat").

**TAGANÇA** [ta:ğança], *at.* Kiçijik tagan. *Ojaklarda gazanlar atarylyp, tagançalarda taňkalar goýulýardy* (B. Kerbabaýew).

**TAGAPYL** [tağa:pyl], *at.* Kanagat, sabyr, çydam. *Tagapyl eýlegil, habar alaýyn, Eý, mahy-tabanym, ýene geldiňmi* ("Görogly").

**TAGAR [**tağar**]**, **1**. Galla salynýan kiçeňräk gap. *Altynjy klasda okaýan Şaguly dagy orlan bugdaý başlaryny tagarlara, çuwallara salyp, majarda* döwege çekýärdiler. Ikinji, üçünji klaslaryň oglanlary harmanda işleýärdiler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy). **2**. Tagar XIII–XIX asyrlarda ilatdan ýygnalýan däne görnüşli salgyt, ol harwaryň möçberine deňdir.

**TAGARÇYK** [tağarçyk], *at.***1**. Erkek (düýe) esrände, agzyndan çykýan böwenjik, süýrüje haltajyk. *Ullakan tagarçygyny çykaryp, haýbatly esreýärdi* (Ý. Mämmediýew). **2**. *kön.s.* Sanaç. *Çopan tagarçygy çykardy.* ("Kitaby dedem Gorkut").

**TAGAŞYK** [tağaşyk], *at.* **1**. Ulanylýan zadyň çemeliligi. **2**. Bir zadyň maýy, oňaýy. **3**. Ýol, tär. *Gürrüňe başlaýmagyň tagaşygyny tapman otyrdy.*

**TAGAŞYKLY** [tağaşykly], *syp.* Çemeli, jaýba-jaý, ýerbe-ýer, oňaýly. *Tagaşykly hereket.*

**TAGAŞYKLYLYK** [tağaşyklylyk], *at.* Tagaşykly ýagdaýda bolmaklyk, çemelilik, oňaýlylyk.

**TAGAŞYKSYZ** [tağaşyksyz], *syp.* Tagaşykly däl, çemesiz, gödek, oňaýsyz. *Tut agajy tagaşyksyz ýranyp, ýapraklarynyň üstünde günüň ýşygyna bulduraşyp duran damjalary aşak dökýärdi* (H. Ysmaýylow).

**TAGAŞYKSYZLYK** [tağaşyksyzlyk], *at.* Tagaşykly bolmazlyk.

**TAGAT** [ta:ğat], *at, ser.* **Takat**. *Tapyşyk ýaşlygyň bagtly sagady, Tapyşyk belläniň bolmaz tagady* (A. Kekilow).

◊ **Tagat çekmek** ýatman oturmak, oturyp geçirmek, gijäni ukusyzlykda geçirmek. *Hüwi ýaly bütin gijäni tagat çekip geçirýärdi* (N. Pomma).

**TAGBYR** [tağvy:r], *at, k.d.* Ýorgut (görlen düýş hakynda). *Bu düýşüň tagbyryn bir-bir ýoraýyn, Sabyr eýlegil indi geler Ezberiň* ("Şasenem – Garyp").

**TAGBYRÇY** [tağvy:rçy], *at, k.d.* Ýorgudyny aýdýan adam, ýorujy, manysyny düşündiriji (görlen düýş hakynda). *Gören düýşüňi aýdyber, menem tagbyrçydyryn* ("Görogly").

**TAGBYRÇYLYK** [tağvy:rçylyk], *at, k. d.* Tagbyrçynyň ýagdaýy, käri. *Öwez hem onuň tagbyrçylygyna ynandy* ("Görogly").

**TAGLYM** [tağly:m], *at, k. d.* Tälim, öwüt-ündew, maslahat, pikir. *Öwüt tutmaz öwüt berseň bir pese, Ýagşy taglym ýaman ýara ýaraşmaz* (Zelili).

**TAGLYMAT** [tağly:ma:t], *at.* Bir waka, hadysa hakynda ylmy nukdaýnazardan esaslandyrylan kanunlaryň jemi.

**TAGMA** [tağma], *at.* **1**. Dowarlaryň, iri mallaryň haýsy hojalyga, şahsa degişlidigini bildirmek üçin gyzdyrylan sim, syndy ýaly zatlar bilen olaryň endamyna, gulagyna basylyp salynýan nyşan, alamat, bellik. **2**. Bir zatda edilýän ýönekeý bir bellik. *Onuň daşyna öz tagmasyny bassyn, soň tanap alar ýaly* (B. Seýtäkow). **3**. *göç.m.* Çekilen ejirden, horlukly günden galýan yz, nyşan. *Dogrusyny dogry aýtsaň, Ahmediň endam-jany ýarag tagmasyndan ýaňa persalady* (A. Nazarow). – *Şol boýnundaky gyranyňy ber, keýgim – diýip, ejesi onuň ýüzünde özleriniň agyr durmuşlarynyň tagmasyny gördi* (H. Derýaýew).

**TAGMALAMA** [tağmalama], *iş ady.* Tagmalamak ýagdaýy. *Ol mallary tagmalama işini wagtynda gutardy.*

**TAGMALAMAK** [tağmalamak], *işl.* **1**. Gyzdyrylan demri, çişi we ş.m. zatlary mallaryň bedenine basyp bellik etmek. *Düýäni tagmalamak.* **2**. Bir zada bellik etmek, yz galdyrmak.

**TAGMALAMAZLYK** [tağmalamazlyk], *iş ady.* Tagma basmazlyk.

**TAGMALAŞDYRMAK** [tağmalaşdyrmak], *işl.* Birnäçe goýna, geçä we ş. m. tagma basyp çykmak. *Ownuk mallary tagmalaşdyrmak işi gutardy.*

**TAGMALAŞMAK** [tağmalaşmak], *işl.* Tagmalamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde tagmalamak. *Olar dowarlary tagmalaşyp ýör.*

**TAGMALATMAK** [tağmalatmak], *işl.* **1**. Tagmalamak işini başga birine etdirmek, tagmalamaga mümkinçilik bermek, tagmalamaga ýol bermek. *Sen hem goýunlaryňy iliňkä garyşmaz ýaly derrew tagmalat.*

**TAGMALAÝYŞ** [tağmalaýyş], *iş ady.* Tagmalamak ýagdaýy .

**TAGMALY** [tağmaly], *syp.* Tagmasy bar, tagma basylan. *Tagmaly mal.*

**TAGMASYZ** [tağmasyz], *syp.* Tagmasy ýok, tagma basylmadyk. *Düýeleriň arasynda bir tagmasyz düýe bar.*

**TAGNA** [tağna], *at, k.d.* Teýene, kinaýa, ýaňsy, şyltak, nähak ýüklenýän ýazyk, garalyk. *Rakybyň tagna sözleri Jana dert oldy, dert oldy* ("Görogly"). *Bir tagna söz üçin munça gaçar sen, Aşyk bolsaň, niçe ýanyp-öçer sen* ("Şasenem – Garyp").

**TAGNALY** [tağnaly], *syp.* Teýeneli, kinaýaly, töhmetli, myjabatly. *Onuň häzirki "han" diýeni Öweziň gulagyna kinaýa bilen aýdylýan sözler bolup degdi we tagnaly sözler bilen özi masgaralanýan şekilli göründi* (A. Gowşudow).

**TAGSYP** [tağsy:p], *at, k.d.* Ar-namys. *Ýomut-gökleň tagsyp edip özünden, Çyksa goşun, öňi-ardy bilinmez* (Magtymguly).

**TAGSYPLY** [tağsy:ply], *syp.* Arly-namysly. *Bir tagsyply goç ýigit, Är ýanynda bellidir* (Zelili).

**TAGSYPSYZ** [tağsy:psyz], *syp.* Arsyz-namyssyz

**TAGSYR** [tağsy:r] **I**, *at.* Günä, ýazyk, etmiş, kemçilik. *"Eý, şazada, biziň tagsyrymyzy geçgil! Sizi bigünä urduk" diýdiler* ("Asly – Kerem").

**TAGSYR** [tağsy:r] **II**, *at.* Belent derejeli adamlara (köplenç, işan-mollalara) ýüzlenilende

hormat edilip aýdylýan söz. *Tagsyr, patyşamyz, biz siziň ýurduňyzga Genji-Garabagdan gelipdik* ("Nejep oglan").

**TAGSYRLY** [tağsy:rly], *syp., k.d.* Günäli, ýazykly, etmişli, asy. *Her kim bolsa, şa ýanynda tagsyrly, Arz edip günäden ýuwsun diýdiler* (Şabende).

**TAGT**[tağyt] **I**, *at.* Häkimiýet nyşany hökmünde ulanylýan aýratyn kürsi, şalaryň oturýan ýeri. *Derse han oglana beglik berdi, tagt berdi. Oglan tagta çykdy* ("Kitaby dedem Gorkut").

◊ **Tagta mündürmek** patyşa etmek, häkimiýet başyna geçirmek. **Tagtdan düşürmek** häkimiýet başyndan aýyrmak, patyşalykdan mahrum etmek.

**TAGT** [tağyt] **II**, *at.* Ýeriň suwarylyp, sürüme taýýar bolan yzgarlylyk ýagdaýy. *Ýer tagt däl. Suwarylandan soň, ýer tagta gelipdir.*

◊ **Tagtdan çykmak** sürüljek ýeriň yzgary gaçmak, gatamak. *Siz ýeri ertir süräýmeseňiz, tagtdan çykar.* **Tagta gelmek** tagt bolmak (ýer hakynda). *Suwarylandan soň, ýer tagta gelipdir.* **Tagta getirmek** tagt bolmak derejesine ýetirmek, tagt etmek. **Tagt suwy** sürüljek ýere öňünden tutulýan suw. *Tagt suwuny tutup ýören daýhanlaryň ýanyna bardyk.*

**TAGTA** [tağta] **I**, *at.* Agaçdan, pürsden dürli galyňlykda, ýasy görnüşde kesilen agaç (gurluşyk materialy).

**TAGTA** [tağta] **II**, *at.* Hat ýazmak üçin belli bir ölçegdäki ýukajyk kagyz, list. *Bukjanyň içindäki üç tagta kagyz çykdy* (N. Saryhanow).

**TAGTA** [tağta] **III**, *at.* Baýryň, dagyň üstünde ekin ekmäge ýaramly düz, tekiz giden meýdan. *Şu beýik dagyň üstünde ýüzlerçe gektar meýdany bolan tagta bardy* (A. Gowşudow).

**TAGTA** [tağta] **IV**, *at.* Ýüzüne hek bilen hat ýazylýan okuw enjamy. *Annagözel tagtada "A"-nyň suratyny çekdi* (A. Alamyşow).

**TAGTABITI** [tağtaviti], *at.* Jandarlaryň gany, ösümlikleriň şiresi bilen iýmitlenýän mugthor mojejik.

**TAGTAÇA** [tağtaça], *at.* Üstünde oturmak, ýatmak üçin tagtadan edilen ýörite seki, meýdança.

**TAGTALAMA** [tağtalama], *iş ady.* Tagtalamak ýagdaýy.

**TAGTALAMAK** [tağtalamak], *işl.* Tamyň üstüni ýapmak, bir ýeriň daşyny baglamak we ş. m. üçin tagta çüýlemek, tagta kakmak. *Tamyň üstüni tagtalamak. Goýun ýatagynyň daşyny tagtalamak.*

**TAGTALAMAZLYK** [tağtalamazlyk], *iş ady.* Tamyň üstüni tagta bilen örtmezlik.

**TAGTALANMAK** [tağtalanmak], *işl.* Tamyň üstüni ýapmak, bir ýeriň daşyny baglamak we ş.m. üçin tagta çüýlenmek, tagta kakylmak. *Tamyň üsti tagtalandy.*

**TAGTALAŞMAK** [tağtalaşmak], *işl.* **1**. Tagtalamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde tagtalamak. *Ussalar tamyň üstüni tagtalaşyp durdular*.

**TAGTALATDYRMAK** [tagtalatdyrmak], *işl.* Tagtalamak işini başga biriniň üstüne ýükledip etdirmek.

**TAGTALATMAK** [tağtalatmak], *işl.*Tagtalamak işini başga birine etdirmek.

**TAGTALAÝYŞ** [tağtalaýyş], *iş ady.* Tagtalamak ýagdaýy.

**TAGTLABERMEK** [tağytla:vermek], *işl.* Tagtlamaga girişmek.

**TAGTLAMA** [tağytlama], *iş ady.* Tagtlamak ýagdaýy.

**TAGTLAMAK** [tağytlamak], *işl.* Ýere suw tutup, tagt edip goýmak, tagta getirmek.

**TAGTLAMAKLYK** [tağytlamaklyk], *iş ady.* Tagtlamak ýagdaýy.

**TAGTLAMAZLYK** [tağytlamazlyk], *iş ady.* Tagt edip goýmazlyk.

**TAGTLAÝYŞ** [tağytlaýyş], *iş ady.* Tagtlamak ýagdaýy.

**TAGTY-TÄÇ** [tağty-tä:ç], *at, ser.* **Tagt I**.

**TAGYRDAMAK** [tağyrdamak], *işl.* Galtak we ş. m. eliň bilen itilip sürlende tagyrdyly ýöremek.

**TAGYRDATMAK** [tağyrdatmak], *işl.* Galtagy we ş. m. eliň bilen itip süreniňde tagyrdyly seslendirip ýöretmek.

**TAGYRDY** [tağyrdy], *at.* Galtak we ş. m. eliň bilen itilip sürlende tagyr-tagyr edip çykýan sesiň ady.

**TAGYR-TAGYR** [tağyr-tağyr], *s. ş. aňl. söz.* Galtak we ş.m. eliň bilen itilip tagyrdadylyp sürlende yzly-yzyna çykýan sesler.

**TAGZYM**[tağzy:m], *at.*Hormat, baş egmeklik. *Ol üç ýola tagzym kyldy* ("Zöhre – Tahyr"). *Ol iki ilçi gelip, Hojamberdi hanga tagzym bile salam berdi* ("Hojamberdi han").

◊ **Tagzym etmek** baş egip hormatlamak. *Görogly dagynyň yzyndan ýetip, tagzym edip, salam berdiler* ("Görogly").

**TAGZYM-TOWAZYG** [tağzy:m-towa:zyğ], *at, ser.* **Tagzym**. *Şol wagt Gara batyr Zöhräniň öňüne geçip, tagzym-towazyg bilen arzy-halyny sözläp, Zöhrä garap, bäş keleme söz diýdi* ("Zöhre – Tahyr"). *Mämmet han patyşanyň gaşyna baryp, tagzym-towazyg bilen iki bükülip salam berdi* ("Saýatly – Hemra").

**TAHALLUS** [tahallu:s], *at, k. d., ser.* **Lakam**. *Ismim idi Nurmuhammet Garyp, Sözde tahallusym erdi Andalyp* (Andalyp).

**TAHMYS** [tahmy:s], *at.* Şygyr düzmegiň bir täri (başga bir şahyryň iki setirli gazalynyň öňünden şonuň bilen kybapdaş üç setir goşup, muhammes (bäşleme) ýasama). *Andalyp Nowaýa öýkünip, birnäçe tahmys döredipdir.*

**TAHYL**, *at.* Stoluň we ş. m. ownuk zatlar salynýan çekeri. *Başlyk stoluň tahylyny çekip, ondan bir kagyz aldy.*

**TAHÝA**, *at.* Gaýmalanyp hem-de keşdelenip tikilen baş gaby, börük. *Gyzym, gyzlaryň hany, Gyzym tiker tahýany* (Hüwdi). *Kiçijik oglan kiçijik*

*tahýa geýer* (Matal. Jogaby: barmak we oýmak). *Gyz tahýa. Oglan tahýa.*

**TAHÝAÇA**, *hal.* Başy tahýaly. *Eýwanyň öňündäki ak öýleriň işiginde kellesi tahýaça bir ýetginjek oglan durdy* (A. Gowşudow). *Beýle sowukda tahýaça gelmeli däl ekeniň, telpek geýmezlermi?*

**TAHÝALYK**, *syp.* Tahýa tikmek üçin niýetlenen (mata). *Ynha size köýneklik hem tahýalyk getirin* (O. Täçnazarow).

**TAKAL**, *at.* Biderek söz, boş, ugursyz gürrüň.

◊ **Takal okamak** boş, ugursyz gürrüň etmek. *Gyzsoltan, men-ä saňa ýene biri ýaly takal okap, gürrüň aýlap oturjak däl* (T. Gurbanow).

**TAKAT** [ta:kat], *at.* Adamyň çydam, sabyr etmäge bolan ukyby, sabry, karary.

◊ **Takaty gaçmak** bikarar bolmak, sabyr-karary gaçmak, çydamsyz, aljyraňňy ýagdaýa düşmek, biynjalyk bolmak. *Bu sözi eşidip, Selbinyýazyň takaty gaçdy* ("Saýatly – Hemra").

**TAKATLY** [ta:katly], *syp.* Her bir ýagdaýa çydam, sabyr edip bilýän, sabry-karary ýetýän. *Kyýas hem edil kakasy ýaly, güler ýüzlüdi, alçakdy, giňdi, takatlydy* (N. Jumaýew).

**TAKATLYLYK** [ta:katlylyk], *at.* Takaty, sabry-karary barlyk, sabyrlylyk. *Ol takatlylyk bilen başlap, işini soňuna çenli alyp barmaklygy başarýar* ("Nesil").

**TAKATSYZ** [ta:kassyz], *syp.* Takat edip bilmeýän, sabyr-kararsyz, tagapyl etmeýän. *Bahary garşy almaklyga takatsyz garaşýan Maýa garly gün uzalyp, sagat hem haýal hereket edýän ýalydy* (B. Gurbanow).

**TAKATSYZLANMA** [ta:kassyzlanma], *iş ady.* Takatsyzlanmak ýagdaýy.

**TAKATSYZLANMAK** [ta:kassyzlanmak], *işl.* Bir zat, mesele dogrusynda rahatsyzlanmak, aram-karary bolmazlyk. *Ol jorasynyň wagtynda gelmeýşine takatsyzlandy.*

**TAKATSYZLYK** [ta:kassyzlyk], *at.* Takaty ýokluk, sabyr-karary bolmazlyk, sabyrsyzlyk.

**TAKDYR** [takdy:r], *at.* Adamyň durmuşynda onuň erkine bagly däl ýagdaýda bolup geçýän ahwalat, ykbal, täleý, kysmat, ýazgyt. *...Keýwanyň hem üçülenji tarapdan, Şolara baglyrak seniň takdyryň* (K. Gurbannepesow).

◊ **Takdyra ten bermek** başa gelenini görmek, her bir zada çydam etmek, döz gelmek.

**TAKGA I**, *at, gepl.d., ser.* **Tahýa**.

**TAKGA II: takga jany çykmak** birden ölmek.

**TAKGAZ** [takga:z], *at.* Bedeniniň uzynlygy 35-40 sm ýetýän teňňeli deňiz balygy. *Balykçylar bu ýyl takgaz balygyny tutmaklyga geçen ýylkysyndan ir çykdylar* ("Türkmenistan").

**TAKGYLDAMA** [takgyllama], *iş ady.* Takgyldamak ýagdaýy.

**TAKGYLDAMAK**[takgyllamak],*işl.* Tarkyldyly ses çykmak, takgyldyly seslenmek.

**TAKGYLDAMAKLYK** [takgyllamaklyk], *iş ady.* Takgyldamak ýagdaýy.

**TAKGYLDATMAK**[takgllatmak],*işl.* Takgyldyly seslendirmek.

**TAKGYLDAÝYŞ** [takgyllaýyş], *iş ady.* Takgyldamak ýagdaýy.

**TAKGYLDY** [takgylly], *at.* Gaty zatlaryň biri-birine degmegi bilen döreýän sesiň ady. *Çekijiň takgyldysy.*

**TAKLADYŞ** [takyladyş], *iş ady.* Taklamak ýagdaýy.

**TAKLAMA** [takylama], *iş ady.* Taklamak ýagdaýy.

**TAKLAMAK** [takylamak], *işl.* **1**. Gysgançlyk, husytlyk etmek, bar hem bolsa, ýok diýip oturmak. *Suhan gatynyň şunça zadyň arasynda taklap oturşyna öz içinden gahary gelip: – Ýeri, Suhan aga, dünýäde näme gep-gürrüň eşidýärsiňiz? – diýdi* (H. Derýaýew). **2**. *göç. m.,* Birden ölmek . *Taklap jany çykdy.*

**TAKLAMAKLYK** [takylamaklyk], *iş ady.* Taklamak ýagdaýy.

**TAKLATDYRMAK** [takylatdyrmak], *işl.* Gaty jisimleri biri-birine urup, takgyldyly ses çykartmak.

**TAKLATDY** [takylatdy], *at.* Iki setir edilip gazylan on iki sany çukurjygyň hersine dört sany gumalak salnyp, iki adam bolup oýnalýan oýun.

**TAKLATMAK** [takylatmak], *iş ady.* Gaty zat bilen başga bir gaty zady urmak.

**TAKLAÝYŞ** [takylaýyş], *iş ady.* Taklamak ýagdaýy.

**TAKMYN** [takmy:n], *syp.* Çak bilen, çen bilen, takmynan. *Ol özüniň täze tanşyny kellesi bilen ümläp görkezdi we takmyn şeýle gürrüň berdi* (A. Durdyýew).

◊ **Takmyn sanlar** düýp sanlaryň yzyna *-lar*, *-ler* san goşulmasy, soňra bolsa *-ça*, *-çe* söz ýasaýjy goşulma goşulyp aňladylýan sanlar. *Meselem: onlarça, ýüzlerçe, müňlerçe.*

**TAKMYNAN** [takmy:na:n], *hal., ser.* **Takmyn**. *Är-heleý takmynan salgy alyp ýola düşdi* (N. Saryhanow).

**TAKRAMA** [takyrama], *iş ady.* Takramak ýagdaýy.

**TAKRAMAK** [takyramak], *işl., ser.* **Taňkyramak**. *Ýap takrap gurap gidipdir.*

**TAKRAMAKLYK** [takyramaklyk], *iş ady.* Takramak ýagdaýy.

**TAKRAŞMAK** [takyraşmak], *işl., ser.* **Taňkyraşmak**. *Bedreleriň ählisi takraşyp ýatyr.*

**TAKRATMAK** [takyratmak], *işl., ser.* **Taňkyratmak**.*Çäýnegi takradyp goýmak.*

**TAKRAÝYŞ** [takyraýyş], *iş ady.* Takramak ýagdaýy.

**TAKSI** [taksy / ta:kys], *at.* Kireýne ýolagçy gatnadýan, ýük daşaýan maşyn.

**TAKSIÇI** [taksyçy / ta:kysçy], *at.* Taksi sürüji.

**TAK-TAK**, *s.ş.aňl.söz.* Takgyldyly ses..

◊ **Tak-tak etmek** takgyldyly ses çykarmak. *Tak-tak etdim, dalak iýdim, Pök-pök etdim, böwrek iýdim* ("Türkmen halk ertekileri").

**TAKWA** [takwa:], *syp.* Dindar, namazhon, dini däp-dessura uýýan. *Özüni takwaýy bilip, agýar bolgan sopular* (Misgingylyç).

**TAKWALYK** [takwa:lyk], *at.* Namazhonlyk, dindarlyk. *Ol aýalyň takwalygy, hudaýparazlygy, nämähreme ýüzüni görkezmeýäni hakynda dabara bilen gürrüň edişipdirler* (B. Kerbabaýew).

**TAKWASYRAMA** [takwa:syrama], *iş ady.* Takwasyramak ýagdaýy.

**TAKWASYRAMAK** [takwa:syramak], *işl.* Takwa adam bolan bolmak, özüňi takwa adam edip görkezjek bolmak. *Daşyndan göräýmäge takwasyrap gezip ýörendir weli, Garýagdy sopy her iş eder diýseler ynanaýmalydyr* (A. Gowşudow).

**TAKWASYRAÝYŞ** [takwa:syraýyş], *iş ady.* Takwasyramak ýagdaýy. *Men onuň takwasyraýşyny halamadym.*

**TAKYK**, *at.***1**. *kön.s.* Towuk. **2**. Müçe hasabynda onunjy ýylyň ady.

**TAKYK** [ta:ky:k], *syp.* Has dogry, doly, anyk, hakyky. *Takyk maglumat.*

◊ **Takyk ylymlar** matematika esaslanýan ylymlar.

**TAKYKLAMA** [ta:ky:klama], **1**. *iş ady.* Anyklamak,takyklamak ýagdaýy. **2**. *at.* Takyklaýjy düzediş. *Ol meselä takyklama girizmek gerek.*

**TAKYKLAMAK** [ta:ky:klamak], *işl.* Takygyna, anygyna ýetmek, anyklamak.

**TAKYKLAMAKLYK** [ta:ky:klamaklyk], *iş ady.* Takyklamak ýagdaýy.

**TAKYKLANMAK** [ta:ky:klanmak], *işl.* Bir mesele, bir zat, waka anyklanmak, bilinmek. *Myhmanlaryň bu ýere geljegi-gelmejegi takyklandy.*

**TAKYKLAŞDYRMAK** [ta:ky:klaşdyrmak], *işl.* Ýüze çykan meseleleri anyklap çykmak.

**TAKYKLAŞMAK** [ta:ky:klaşmak], *işl.* Ýüze çykan meseläni, ýagdaýy anyklaşmak, anygyna ýetmek, çyn ýa ýalandygyny, dogry ýa nädogrudygyny bilmek işinde başga birine kömekleşmek.

**TAKYKLATDYRMAK** [ta:ky:klatdyrmak], *işl.* Birine bir meseläni, ýagdaýy anyklatdyrmak, anygyna ýetdirmek.

**TAKYKLATMAK** [ta:ky:klatmak], *işl.* Ýüze çykýan meseläniň, ýagdaýyň dogry ýa nädogrulygyny, çyn ýa ýalandygyny birine anyklatmak, barlatmak.

**TAKYKLAÝYŞ** [ta:ky:klaýyş], *iş ady.* Takyklamak ýagdaýy.

**TAKYKLYK** [ta:ky:klyk], *at.* Hakykata laýyklyk, anyklyk. *Önümçilikde takyklygy we sazlaşygy gazanmaly* ("Türkmenistan").

**TAKYR**, **1**. *at.* Orta Aziýa çöllüklerindäki we ýarym çöllüklerdäki toýunsow, tekiz düzlükler. *Garagumda takyr ýerler kän.* **2**. Çitimsiz kakylyp dokalan (palas hakynda). *Takyr palas.* **3**. *syp.* Düz, tekiz ýer, meýdan. *Takyr ýer.* **4**. *syp., göç.m.* Boş, hiç zatsyz. *Mekdebiň öňi eliň aýasy ýaly takyrdy.* **5**. *syp., göç.m.* Tüýsüz, saçsyz. *Takyr kelle.*

**TAKYRDAMA**, *iş ady.* Takyrdamak ýagdaýy.

**TAKYRDAMAK**, *işl.* Takyrdyly ses döremek, takyrdyly ses çykmak, takyrdyly seslenmek. *Işik takyrdanda, Sapa garry enäniň heniz hem gapynyň daş ýüzünde duranyny aňlap, gapynyň kildini ýazdyrdy* (A. Gowşudow).

**TAKYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Takyrdamak ýagdaýy.

**TAKYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat takyrdamak.

**TAKYRDATDYRMAK**, *işl.* Takyrdyly ses çykartdyrmak. *Boş bedräni ogluňa takyrdatdyrmasana.*

**TAKYRDATMAK**, *işl.* Bir zady takyrdamak derejesine ýetirmek, takyrdar ýaly etmek. *Ýanyndaky eýmenç sokyň Erňeginden ýapyşdy-da, Gara daşyn takyrdatdy* (K. Gurbannepesow).

**TAKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Takyrdamak ýagdaýy. *Arabanyň takyrdaýşy.*

**TAKYRDY**, *at.* **1**. Gaty zatlaryň biri-birine degmegi sebäpli döreýän sesiň ady. – *Küşt! – diýen sesi tagtanyň takyrdysy bilen goşulýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Üznüksiz atylýan tüpeň, pulemýot ýaly ýaraglaryň sesi.

**TAKYRDYLY**, *syp.* Takyrdap çykýan, takyrdy döredýän.

**TAKYRDYSYZ**, *syp.* Takyrdy döretmeýän, takyrdysy ýok. *Maşyn takyrdysyz gidip barýardy.*

**TAKYRÄLEM** [takyrä:lem], *at.* Suwulgandan kiçiräk hažžygyň bir görnüşi.

**TAKYRJAK**, *syp.* Kiçijik takyr (ýer). *Oratdy bolsa gapylarynyň öň ýanyndaky takyrjak ýerde bir ýalpyldawujak zady oýnap ýördi* (B. Annageldiýew).

**TAKYRLYK**, *at.* Giden takyr ýer, takyr ýerleri köp bolan giňişlik. *Uçar käte duş gelýän gumara takyrlyklary bireýýäm geçip, häzir Garagumuň birsydyrgyn gum depeleriniň üsti bilen barýardy* (B. Gurbanow).

**TAKYR-TUKUR**, *s. ş. aňl. söz.* Üzlem-saplam çykýan takyrdy. *Ondan-mundan takyr-tukur eşidildi.*

**TAKYRÝORGA** [takyrýorğo], *at.* Ýorgalap çalt ýöreýän guş. *Gezermen takyrýorgajyklar bir ýerden gymyldaman, ganatlaryny günüň öňüne gerip, jüýjesini penalaýardy* (B. Gurbanow).

**TAKY-TULUM** [ta:ky-tulum], *syp.* Hondanbärsi bolup duran, ulumsy, gopbamsy. *Görseň, bir oturan taky-tulumdyr, Özünden ýokara gülüm-ýalymdyr* (A. Salyh).

**TAL I**, *at.* Insiz, uzyn ýaprakly, ýaýraň, çeýe şahaly agaç, söwüt. *Jylawyny bir tala ildirdi* ("Kitaby dedem Gorkut"). *Ýap boýunda biten tallar, Al ýaňakdan damar ballar* (Mätäji).

◊ **Ak tal** söwütler maşgalasyna degişli bu agaç öz daşky görnüşi boýunça söwüde meňzeş, ýöne bu agajyň reňki agymtyl, özem port. *Ak tal ösümligi, esasan, Çärjew, Daşoguz welaýatlarynda köp ekilip, onuň gabygyndan taýýarlanan jöwher halk lukmançylygynda sowuklamanyň garşysyna we ödi arassalaýjy serişde hökmünde ulanylýar.* **Selbi tal**

**TAL II**, *at. deňizç.* Bogaldakdan gaýdýan dört sany ýüpüň ady.

**TALA**, *at. kön.s.* Horaz. *Hemme jüýje bir tala, o-da hudaý ýoluna* (Nakyl).

**TALABAN** [talava:n], *at, taryh.* Hakyna tutma işçi, batrak. *Olar talaban durup, goýun bakyp alan*

*haklarynyň hem bir köpügini sowman, kakasyna getirip tabşyrardylar* (A. Gowşudow).

**TALABANÇYLYK** [talava:nçylyk], *at.* Talabanlyk bilen meşgullyk, biriniň garamagynda bolup, oňa hyzmat etmeklik, hakyna tutulmaklyk.

**TALABEDIJILIK** [talavedijilik], *at*. Talap ediş derejesi.

**TALAGAR** [talağar], *syp.* Goýan ýeriňde gymyldaman rahat durmaýan (gap-gaç we ş.m. hakynda). *Talagar jam.*

**TALAK**, *at.* Nikanyň bozulýandygy hakynda erkek adam tarapyndan "boş" diýen manyda aýdylýan söz. *Siz menden talak! Talak! Siz menden talak! – diýip, üç gezek gygyryp aýda-aýda gitdi* (N. Saryhanow).

◊ **Talak haty** nikanyň bozulýandygyny tassyklaýan şahadatnama.

**TALAMA** [ta:lama], *iş ady.* Talamak ýagdaýy.

**TALAMAK** [ta:lamak], *işl.* Biriniň emlägini, zadyny güýç bilen, zorluk bilen elinden almak.

**TALAMAKLYK** [ta:lamaklyk], *iş ady.* Talamak ýagdaýy. *Birini talamaklyk gowy zadyň üstünden eltmez.*

**TALANMAK** [ta:lanmak], *işl.* Emlägi elinden güýç bilen zorluk edilip alynmak.

**TALANT** [tala :nt], *at.* Aýratyn zehin, özboluşly ukyp. *Her kim öz ugruna talantdyr, / talant!* (G. Ezizow).

**TALANTLY**[tala:ntly], *syp.* Talanty bar bolan. *Talantly ýazyjy.*

**TALAŇ** [ta:laň], *at.* Biriniň emlägini, zadyny güýç ulanyp, zor bilen basyp alyş. *Iki göç-de bir talaň* (Nakyl).

**TALAŇÇYLYK** [ta:laňçylyk], *at.* Talaň bilen meşgullyk, garakçylyk.

**TALAŇÇYLYKLY** [ta:laňçylykly], *syp.* Talaň salynýan, talaňa düşýän.

**TALAŇLY** [ta:laňly], *syp.* Talaň salnan, talaň düşen. *Oňarman, iki eliňi burnuna sokup gelseň-de, başyň ölümli, malyň talaňly* (B. Seýtäkow).

**TALAP**, *at.* **1**. Hökmany ýerine ýetirmek şerti bilen edilýän berk buýruk. **2**. Kanuny isleg. *Söwda işgärleri alyjylaryň ösen talabyny ödäp bilmelidir.* **3**. Iş, zähmet, gazanç. *Ol talap gözläp, nireleredir aýlap-ýyllap çykar giderdi* (N. Saryhanow).

◊ **Talap etmek 1**) tutanýerlilik bilen soramak. *Söz arasyna söz goşmazlygy, sözleýäne päsgel bermezligi talap edýärin* (B. Kerbabaýew). **2**) kireýine iş etmek, gazanç etmek. *Görogly düýn talap eder ýaly bir amatly ýer görüpdi* ("Görogly").

**TALAPKÄR** [talapkä:r], *syp.* **1**. Talap ediji. *Talapkär tomaşaçylar täze oýundan hoşal boldular.* **2**. Iş, zähmet, gazanç edýän. *Ol köp işleýän, talapkär, zähmetkeş adam.*

**TALAPKÄRÇILIK** [talapkä:rçilik], *at, ser.* **Talapkärlik**.

**TALAPKÄRLIK** [talapkä:rlik], *at.* Talap edijilik, talap bildirmeklik.

**TALAPLY**, *syp.* Zähmet çekip, işläp, gazanç edýän, gazançly. *Oglum, sen talaply ogul bolmaga çemeliň!* ("Görogly").

**TALAPLYLYK**, *at.* Zähmet çekip, gazanç edip bilmeklik, gazançlylyk.

**TALAPNAMA** [talapna:ma], *at.* Birine ýa bir edara, kärhana bildirilýän, hödürlenýän talap haty.

**TALAŞ**, *at, şahyr.* Iş-pişe, endik, dalaş. *El götergil beýle nähak talaşdan, Puluň köýer, janyň ýanar bu başdan* (Magtymguly).

◊ **Talaş etmek** elde baryny edip işlemek, jan etmek, dalaş etmek.

**TALAŞMAK** [ta:laşmak], *işl.* Bilelikde talamak, talamaga gatnaşmak.

**TALATDYRMAK** [ta:latdyrmak], *işl.* Biriniň öýüni, emlägini başga birine zorluk bilen aldyrmak.

**TALATMAK** [ta:latmak], *işl.* Talamaga mejbur etmek, talamaga ýol bermek.

**TALAWLAMA** [talowlomo], *iş ady.* Talawlamak ýagdaýy. *Ol taýagyny talawlamasyny barha çaltlandyrýardy.*

**TALAWLAMAK** [talowlomok], *işl.* Eýläk-beýläk bulaýlamak, salgamak.

**TALAWLAMAZLYK** [talowlomozluk], *iş ady.* Talawlamak hereketini etmezlik.

**TALAWLAŞMAK** [talowloşmok], *işl.* Bir zady (taýagy, gamçyny) bilelikde bulaýlamak, salgamak.

**TALAWLATMAK** [talowlotmok], *işl.* Eliňdäki taýagy we ş.m. dik galdyryp, eýläk-beýläk hereketlendirmek. *Eliňdäki taýagyi talawlatmak.*

**TALAWLAÝYŞ** [talowloýuş], *iş ady.* Talawlamak ýagdaýy.

**TALAÝYŞ** [ta:laýyş], *iş ady.* Talamak ýagdaýy.

**TALGAT** [talğat], *at, k.d.* Görk, görmek, keşp. *Mahy talgat boldy gaýyp, nury iman kaýdadyr* (Allaguly Allahy).

**TALGATLY** [talğatly], *syp., k. d.* Görkli, görmekli. *Apytap talgatly husny meşhuryň, Bir şirin tilliniň dagy men, dagy* ("Şasenem – Garyp").

**TALH**, *syp.* Ajy. *Talha döndi agzym baly, Ösdi aýralyk şemaly* ("Şasenem – Garyp"). *Baraly, soraly, nedir ahwaly, Biziň üçin talhmy aby-zülaly* (Zelili).

**TALHAN**, *at.* Gowrulan una ýa-da gowurga ununa toşap garylyp taýýarlanýan iýmit. *Allaý-allaý alhanym, Bal goşulan talhanym* (Hüwdüden). *Çörek çeýneý bilmez, talhandyr aşy, Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar!* (Magtymguly).

**TALWAS** [talwa:s], *at, ser.* **Telwas**. *...Däli könlüm talwas eder güllere* (Kemine).

**TALYP** [ta:ly:p], *at,taryh.* **1**. Orta dini bilim berýän medresäniň okuwçysy. *Egindeş talyplar bilen bilelikde tälim almak onuň ýetip bilmeýän arzuwydy* (G. Kulyýew). **2**. Ýokary we ýörite orta bilim berýän dünýewi okuw jaýynda okaýan okuwçy. *Institutyn talyby.*

**TALYPLYK** [ta:ly:plyk], *at.* Talyp bolmaklyk, talybyň ýagdaýy. *Talyplyk ýyllary.*

**TAM** [ta:m], *at.* Gurluşyk enjamlaryndan ýaşaýyş we hojalyk bähbitleri üçin salynýan kiçiräk jaý. *Tam üstünde tamymyz, Goşadyr eýwanymyz* (Halk

döredijiliginden). *Ýykyljak tamy bir kerpiç daýamaz* (Nakyl). *Edil şol demde gara öýüň bäş ädim öňündäki daş tamyň gapysy şarkyldap açyldy-da, işigiň eňsisi serpilen gara öýüň bosagasynda Enebaý ejäniň äpet göwresi peýda boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.). *Ol ýüzüni aşak salyp, ýeňsesinden iterilen ýaly, göni tamyna gitdi* (A. Durdyýew).

◊ **Tamda gulak bar** "ätiýaçly bol, habardar bol, ýuwaşrak geple, gürrüňiň eşidilmegi mümkin, başga biriniň diňlemegi mümkin" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**TAMA** [tama:], *at.* Bir zadyň berjaý bolmagyna, amala aşmagyna bolan umyt, isleg.

◊ **Tamaň çykmak** eden tamaň, umydyň ýerine gowuşmak, düşmek. **Tamaň puç bolmak** tamaň çykmazlyk, eden umyt-arzuwlaryň hasyl bolmazlyk. **Tamaň tala daňlan ýaly bolmak** bütinleý, asla tama etmezlik. **Tamaňy üzmek (ýolmak)** tama etmegi bes etmek, umydyňy üzmek.

**TAMAKIN** [tama:ki:n] Tama edýän, hantama, umydygär. *Salamy alaryn, sorap almaryn, Bermeseler bolmarynam tamakin* (G. Daşgynow).

**TAMAKINLIK** [tama:ki:nlik] Tamakin bolmaklyk, umydygärlik, hantamaçylyk. *Şükür eýle, kanagat kyl berenne, Tamakinlik eýläp ýörmek ne derkar* (Çary Afzal).

**TAMBUR** [tambu:r]**,** *at, ser.* **Tanbur**. *Şol sagat özüni toýhanaga ýetirip görse, tambur owazy gelýär* ("Asly – Kerem").

**TAMDYR**, *at.*Çörek bişirmek üçin toýun palçykdan ýa-da kerpiçden depesi açyk gümmez şekilinde ýasalýan ojak. *Tamdyr gyzanda ýap* (Nakyl). *Gowrulan etiň ysy, tamdyrda bişýän çöregiň ysy bilen goşulyşyp burugsaýardy* (A. Gowşudow).

◊ **Tamdyr suwy** tamdyrda çörek bişirilende tamdyryň howruny peseltmek, şeýle hem tamdyrdan ýaňy çykarylan çöregiň ýüzüne sepmek üçin ulanylýan suw. *Ejesi gyzyna: "Maňa tamdyr suwy getir!" diýip gygyrdy.*

**TAMDYRA**, *at,sazç.* Iki kirişli türkmen milli saz guraly, dutar.

**TAMDYRAÇY**, *at.* Tamdyra çalýan sazanda.

**TAMDYRÇY**, *at.* Tamdyr ussasy.

**TAMDYRLAMA**, *iş ady.* Tamdyrlama ýagdaýy.

**TAMDYRLAMAK**, *işl.* Tamdyrda et, balyk, gutap ýaly zatlary bişirmek, taýýarlamak. *Balygy tamdyrlamak gerek.*

**TAMDYRLAMAKLYK**, *iş ady.* Tamdyrlamak ýagdaýy.

**TAMDYRLAŞMAK**, *işl.* Et, balyk, gutap ýaly zatlary tamdyrda bişirmäge kömek etmek.

**TAMDYRLAÝYŞ**, *iş ady.* Tamdyrlamak ýagdaýy. *Onuň balygy tamdyrlaýşy bilen bişirişi maňa ýarady.*

**TAMDYRLY**, *syp.* Tamdyry bar. *Tamdyrly öý – döwletli öý* (Nakyl).

**TAMDYRLYK**, *syp.* Tamdyrda bir gezek bişirer ýaly taýýarlanan ýa-da niýetlenen (hamyr, un, odun-çöp).

**TAMDYRODUN** [tamdyro:dun], *at.* Tamdyrtowy.

**TAMDYRSYZ**, *syp.* Tamdyry ýok. Tamdyrsyz oňmak.

**TAMDYRSYZLYK**, *at.* Tamdyry bolmazlyk, ýokluk. *Indi tamdyrsyzlykdan kösenmeýäris.*

**TAMDYRTOWY**, *at.* Çörek bişirmek üçin tamdyrda ýakar ýaly odun-çöp.

**TAMDYRTOWULYK** [tamdyrtowuluk], *syp.* Tamdyrtowy eder ýaly gerek bolan (odun-çöp). *Ol hamyr edensoň, tamdyrtowulyk taýýarlamaga durdy.*

**TAMGA** [tamğa], *at, kön.s., ser.* **Tagma**.

**TAMLYK** [ta:mlyk], *at.* Tamyň köp salnan ýeri, birtopar tamly ýer. *Köne tamlyklar.*

**TAMMAN** [tamma:n],*at.*Balak.

**TAMŞANDYRMAK** [tamşannyrmak], *işl.* Tamakin etmek, agzyny suwartmak. *Ol gowrulan etiň ysyny alyp, agzyny tamşandyrdy.*

**TAMŞANJYRAMAK**, *işl.* Az-kem tamşanmak. *Ol tamşanjyrap, birnäçe gezek suw owurtlady* ("Türkmenistan").

**TAMŞANMA**, *iş ady.* Tamşanmak ýagdaýy.

**TAMŞANMAK**, *işl.* **1**. Tamakin bolup, agzyňy suwartmak, ýuwdunmak. *Ol gyzjagazyň sebedini görende, işdämenlik bilen tamşandy* (B. Gurbanow). **2**. Azajyk iýmek, garbanmak, döwüm-dişlem iýmek.

**TAMŞANMAKLYK**, *iş ady.* Tamşanmak ýagdaýy.

**TAMŞANYŞ**, *iş ady.* Tamşanmak ýagdaýy.

**TAMŞANYŞMAK**, *işl.* Birnäçe adam bolup tamşanmak.

**TAM-TARSY** [ta:m-tarsy], *at.* Tam, tamkepbe we ş.m.

**TAMUG** [tamu:ğ], *at, k d., ser.* **Tamy**. *Behişt gaçyp çykmyş arşyň öýüne, Tamug gorkup inmiş ýeriň teýine* (Magtymguly).

**TAMY**, *at.* Dini düşünjä görä, günäli adam ölensoň, onuň janynyň o dünýäde jezalandyrylýan ýeri, dowzah, jähennem. *Jaýyň bolar tamy-dowzahy-sakar, Eger ýaman bolsa päl, Amangeldi* (Baýly şahyr).

◊ **Tamy ýaly** örän yssy, gyzgyn (jaýyň içi hakynda).

**TANA** [ta:na] **I**, *at.* Burnuň iki sany deşigi we deşigiň daş ýüzüniň galyp duran ýeri. *Bir namardyň maljagazy ösende, Tanasy ýellenip, özün tanamaz* (Şeýdaýy).

**TANA** [ta:na],*at, ýerli g.* Göle. *Gyzym-gyzym gyz tana, Gyzyma geler ýüz tana* (Hüwdüden).

**TANALMAK**, *işl.* Biriniň kimdigi ýa bir zadyň nämedigi bilinmek, belli bolmak.

**TANAMA**, *iş ady.* Tanamak ýagdaýy. *Ony tanama gerekmi?*

**TANAMAK**, *işl.***1**. Biriniň özüňe tanyşdygyny ýa-da bir zadyň özüňkidigini ýa başga biriniňkidigini ýüze çykarmak, bilmek. **2**. Biri ýa-da bir zat hakynda haýsydyr bir maglumatlar almak, gowulygyny ýa-da erbetligini öz ýanyňdan bilmek. *Ýigidi dostundan tana* (Nakyl).

**TANAMAKLYK**, *iş ady.* Tanamak ýagdaýy.

**TANAMAZLYK**, *iş ady.* Tanap durmazlyk, tanap bilmezlik.

**TANAP**, *at.* **1**. Ýüňden, çöpürden, zygyr süýüminden, kendir soýkasyndan işilen gysgarak ýüp. *Taýhar tanapynyň ýetdiginden şol gelýän gara bakan urundy* (B. Kerbabaýew). **2**. *kön.s.* Gektaryň bäşden bir bölegine barabar bolan ýer ölçegi, ini-boýy 60 arçyna deň bolan ýer bölegi. *Kakasyndan galan bir tanap ýere Ýaban her ýyl bugdaý ekýär* (O. Ödäýew).

◊ **Tanap tutmak** ýeriň çägini, meýdanyny tanap bilen ölçäp takyklamak. **Tanapyndan çekmek** birine haý-küş etmek, öz ugruna goýbermezlik.

**TANAPLAMA**, *iş ady.* Tanaplamak ýagdaýy.

**TANAPLAMAK**, *işl.* Tanap bilen daňmak, baglamak.

**TANAPLAMAKLYK**, *iş ady.* Tanaplamak ýagdaýy.

**TANAPLANMAK**, *işl.* Tanap bilen daňylmak, baglanmak. *Eşek tanaplandy.*

**TANAPLAŞMAK**, *işl.* Tanap bilen mallary, zatlary daňyşmak, tanap bilen baglaşmak.

**TANAPLATMAK**, *işl.* Başga birine tanap bilen daňdyrmak. *Ol eşegini tanaplatdy.*

**TANAPLAÝYŞ**, *iş ady.* Tanaplamak ýagdaýy.

**TANATMAK**, *işl.* **1**. Biriniň kimdigini, bir zadyň nämedigini bildirmek; özüniň kimdigini aýtmak. **2**. Halk, il içinde özüni belli etmek. *Ýagşylykda ile özün tanadan, Alkyş alyp, derejesi zor bolar* (Magtymguly).

**TANAÝYŞ**, *iş ady.* Tanamak ýagdaýy.

**TANBUR** [tanbu:r / tambu:r], *at, sazç.* Uzyn sapy, kiçijik kädisi, on alty-on dokuz sany perdesi, üç sany kirşi bolan gadymy saz guraly. *Tanbur alyp beýik nagra çaldyrsam, Ýa reb, habar bilerinmi, ýar, senden* (Magtymguly).

**TANGYR** [tanğyr], *syp.* Öň gören adamyny, zadyny soň gowy seljerip, tanap bilýän. *Tüweleme, sen-ä gaty tangyr ekeniň!* (A. Durdyýew).

**TANGYRLYK** [tanğyrlyk], *at.* Öň gören zadyňy soň gowy tanap bilijilik, tangyr bolmaklyk. *Oňa tangyrlyk bilen ýiti-ýiti garady* (G. Kulyýew).

**TANK** [taňk], *at, harby.* Top hem-de pulemýot bilen ýaraglandyrylan, tutuş demirden zynjyr tigirli, ok geçmeýän söweş maşyny. *Derýanyň boýy bilen gelýän tank badyny sähel haýalladyp, güzere pagşyldap urdy* (N. Jumaýew).

**TANKÇY** [taňkçy], *at, harby.* Tank goşunlarynyň esgeri, tank sürýän esger.

**TANKYDY** [tanky:dy / taňkydy], *syp.* Tankyda degişli, tankyt häsiýetli, tankytly.

**TANKYT** [tanky:t / taňky:t], *at.* **1**. Birine ýa-da bir zada baha bermek üçin derňemek, ara alyp maslahatlaşmak. *Edebi tankyt.* **2**. Kemçilikleri ýüze çykarmak üçin edilýän düýpli bellikler.

**TANKYTÇY** [tanky:tçy / taňky:tçy], *at.* **1**. Biriniň edýän işini, hereketini, özüni alyp barşyny tankyt edýän adam. **2**. Çeper eserlere tankydy göz bilen garaýan we baha berýän edebi işgär.

**TANKYTÇYSUMAK** [tanky:tçysumok / taňky:tçysumok], *at.* Bolgusyz tankytçy, zoraýakdan tankytçy boljak bolýan adam. *Garýagdynyň dosty tüýs gybatçydy, tankytçysumakdy* (A. Kowusow).

**TANKYTLAMA** [tanky:tlama / taňky:tlama], *iş ady.* Tankytlamak ýagdaýy.

**TANKYTLAMAK** [tanky:tlamak / taňky:tlamak], *işl.* Tankyt etmek, biriniň ýa-da bir işiň kemçiliklerini, ýalňyşlaryny aýtmak.

**TANKYTLAMAKLYK** [tanky:tlamaklyk / taňky:tlamaklyk], *iş ady.* Tankytlamak ýagdaýy.

**TANKYTLANMAK** [tanky:tlanmak / taňky:tlanmak], *işl.* Tankyda sezewar bolmak, tankyt edilmek, ýazgarylmak. *Ýöne welin bu ýerde tankytlanan ýoldaşlar näderkäler* (B. Pürliýew).

**TANS** [tanys], *at.* **1**. Sazly ýerine ýetirilýän sazlaşykly hereketlerden durýan sungat. *Ýaşlar tans edýärler.* **2**. *gepl.d.* Köpçülikleýin tans edilýän ýer. *Ol joralary bilen tansa gitdi.*

◊ **Tans edersiň** "etmäbilseň etme, etmejek bolubam gör" diýen manyny berýär. *Meniň diýenimi etmän tansam edersiň.* **Tans etmek** tansy ýerine ýetirmek.

**TANSÇY** [tanysçy], *at.* Tans oýnuny ýerine ýetirýän, ökde tans edýän adam. *Siz ilkinji suratda gyzlaryň tansçylar toparyndan birnäçesiniň hytaý tansyny ýerine ýetirişini görýärsiňiz* ("Nesil").

**TANSÇYLYK** [tanysçylyk], *at.* Tans sungaty. *Tansçylyk mekdebi.*

**TANYG** [tanyğ], *kön.s.* **1**. *syp.* Mälim, belli, äşgär. **2**. *at.* Şaýat.

**TANYMAL**, *syp.* Tanamaga ökde, tangyr.

**TANYMAL** [tany:mal], *syp.* Zähmetde, işde we ş. m. zatlarda özüni tanadan, ile belli, meşhur bolan.

**TANYMALLYK** [tany:mallyk], *at.* Zähmetde, işde we ş. m. ile bellilik, meşhur bolanlyk.

**TANYŞ-BILIŞLIK** [tanyş-vilişlik], *at.* Tanyşlyk, ýakyn gatnaşykda bolmaklyk.

**TANYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Birini başga biri bilen tanyş etmek. *Men ony bir gyz bilen tanyşdyrdym. Men seni bir adam bilen tanyşdyraýyn* (B. Seýtäkow). **2**. Birini bir zat, mesele, ýagdaý we ş.m. bilen tanyş etmek.

**TANYŞLYK**, *at.* **1**. Bir iş, ýagdaý we ş. m. zat bilen öňden tanyş bolmaklyk. *– Radio bilen tanyşlygyň barmy? – diýip, ondan sorady* (A. Gowşudow). **2**. Biri-birini tanaýan, tanyş adamlar arasyndaky gatnaşyk. *Hal Mergen bolsa häzirki tanyşlyga juda şatlanyp öz ýerinde galdy* (A. Gowşudow).

◊ **Tanyşlyk açmak** gatnaşygy ýola goýmak, tanyşmak. *Siziň bilen tanyşlyk açanyma örän şatdyryn.*

**TANYŞMAK**, *işl.* **1**. Bir mesele, iş we ş. m. bilen tanyş bolmak. *Hem-ä gezim boldugy bor, hemem köp ýerler bilen tanşarsyň* (R. Gelenow). **2**. Biri bilen tanyşlyk açmak. **3**. *Tanyşmak* işliginden soň *durmak* kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Tanşyp durmak** wagtal-wagtal tanyşmak; birsyhly tanyşmak. *Köpden bäri lukmançylyk bilen meşgullanmaýandygyma garamazdan, häzirki zaman lukmançylygyndaky özgerişlikler, medisina*

*tehnologiýalary bilen tanşyp durmagy dowam etdirýärin* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**TANYŞMAKLYK**, *iş ady.* Tanyşmak ýagdaýy. *Bize onuň bilen tanyşmaklyk zerur gerek.*

**TANŞYLMAK**, *işl.* Biri-biriň bilen tanyşlyk açylmak. *Soraşyk-ideşik üsti bilen tanşylýar* (A. Gowşudow).

**TAŇ** [ta:ň] **I**, *syp.* Geň, täsin, üýtgeşik, ilde ýok zat. *Ataň eden işi älemge taňdyr, Häli saňa şadyr, magşar gedaňdyr* (Mollanapes). *Ger gözlesem, rakyplara taň bolur* (Mätäji).

**TAŇ** [ta:ň] **II: taň etmek** gowy etmek, oňarmak. *Ekipsiň, taň edipsiň, ol ýorunjany ata-baba ekilmän ýatan şor ýere ekmek nämä gerek, ýer gytmy?* (A. Gowşudow).

**TAŇKA**, *at.* Çaý gaýnatmak üçin ýuka demirden ýasalan tüňçäniň, tüňňüriň bir görnüşi. *Ol eşeginiň içirgisini düşekçe edinip, çäkmeniniň syýy bilen taňkaň gulpundan tutup, düşekçede ornaşykly oturdy* ("Edebiýat we sungat").

**TAŇK-TAŇK**, *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan taňkyldyly ses. *Ussa kätmeni taňk-taňk edip, derrew bejerdi-de, ony synlamaga durdy.*

**TAŇKYLDAMA** [taňkyllama], *iş ady.* Taňkyldamak ýagdaýy.

**TAŇKYLDAMAK** [taňkyllamak], *işl.* Taňkyldyly ses çykmak, taňkyldyly seslenmek (bat bilen demir demre degenda çykýan ses hakynda). *Ussanyň çekijiniň sesi taňkyldap çykýardy* ("Watan").

**TAŇKYLDAMAKLYK** [taňkyllamaklyk], *iş ady.* Taňkyldamak ýagdaýy.

**TAŇKYLDATDYRMAK** [taňkyllatdyrmak], *işl.* Başga birine taňkyldyly ses çykartdyrmak. *Üzüme gonan guşlary ürküzmek üçin ogluna bedräni taňkyldatdyrdy.*

**TAŇKYLDATMAK** [taňkyllatmak], *işl.* Bedräni we ş. m. urup, tüpeň atyp, taňkyldyly ses çykarmak. *Bedräni taňkyldatmak.*

**TAŇKYLDAÝYŞ** [taňkyllaýyş], *iş ady.* Taňkyldamak ýagdaýy.

**TAŇKYLDY** [taňkylly], *at.* Tüpeň atylanda ýa-da iki sany demir biri-birine batly degende çykýan sesiň ady. *Ol atlanyp depende, uzakdan tüpeň taňkyldysy hem eşidildi* (B. Kerbabaýew).

**TAŇKYRAMA**, *iş ady.* Taňkyramak ýagdaýy.

**TAŇKYRAMAK**, *işl.* Içi suwuklykdan boşap galmak, gabyň içinde suw, nem galmazlyk, takramak. *Taňkyrap ýatan jar.*

**TAŇKYRATMAK**, *işl.* Gapdaky suwy alyp gutarmak, gaby boşatmak, takratmak. *Iki owurtlanda jürdegi taňkyratdy.*

**TAŇLA**, *at.* **1**. Ertir. *Bu gün geler çapar, azanda geler çapar, taňla geler çapar* ("Görogly"). *Bu gün munda ryzk eder sen özüňe, Taňla gara bolar roýuň çilimkeş* (Zelili). *Taňla ol magşar güni tarhany sen-sen bulagyň* (Mätaji).

**TAŇŇYR**, *at.* **1**. Suwuklyk guýulýan bokurdakly demir gap, tüňňür. *Nebit taňňyry. Süýt taňňyry.* **2**. Kir ýuwmak we ş. m. üçin ulanylýan legen.

**TAŇŇYRDAMA**, *iş ady.* Taňňyrdamak ýagdaýy.

**TAŇŇYRDAMAK**, *işl.* Taňňyrdyly ses çykmak, taňňyrdyly seslenmek, taňňyrdyly ses etmek. *Arabanyň üstündäki taňňyrlar biri-birine degip taňňyrdaýardy.*

**TAŇŇYRDATMAK**, *işl.* Gap-gaçlary, demirleri urup, taňňyrdyly seslendirmek. *Ol bedräniň düýbüne eli bilen kakyp, ony taňňyrdatdy.*

**TAŇŇYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Taňňyrdamak ýagdaýy.

**TAŇŇYRDY**, *at.* Taňňyr ýa-da demir gaplaryň biri-birine degmegi, urulmagy sebäpli çykýan sesiň ady. *Birden gapdaldaky howludan taňňyrdy eşidildi.*

**TAŇRY**, *at.* Hudaý. *Bermezek taňrydan irmezek awçy alar* (Nakyl). *Taňry üçin bu sözümni, Ol gaşy kemana ýetir* ("Hüýrlukga – Hemra").

◊ **Taňry ýalkasyn** minnetdarlyk, hoşallyk bildirilip aýdylýan alkyş.

**TAP** [ta:p], *at.* **1**. Ýagdaý, hal, saglyk derejesi. *– Bolýar-da, öz tabyňy özüň gowy bilýärsiň – diýip goýdy* (A. Gowşudow). **2**. Ugur, ýol, usul. *Tapypdyr ol bejerginiň tabyny, Gumlaşdyryp gowaçanyň düýbüni* (A. Salyh). **3**. Ýagdaý, reje. *Tohum alşymyzam, ekiniň häzirki taby-da oňat* ("Türkmenistan"). **4**. Ýer suwarylandan soň topragyň ekmäge ýaramly bolan derejesi. *Taba gelen ýerleriň üstüni sypalap geçýän mylaýym bahar şemaly ýowşan, bozagan bilen garaganyň turşumtyk ysyny garyşdyryp getirýärdi* (A. Gowşudow).

◊ **Taba gelmek** ýer suwarylandan soň, sürüm ýagdaýyna gelmek. **Tapdan düşmek** ýagdaýy agyrlaşmak, güýçden gaçmak. **Tap getirip bilmek** döz gelmek, çydamak, razy bolmak.

**TAPAN-TUPAN: tapan-tupan zady** tapan ähli zatlaryny, näme tapsa. *Garryja aýal bolsa tapan-tupan zadyny berip, toklusyny oňat semredipdir* (Ertekiler).

**TAPAR-TAPMAZ**, *syp.* Özüni oňarmaýan, mätäçlik çekýän. *Biz tapar-tapmaz däl, gelin edinmäge, toý gurmaga gurbumyz ýetýär* (B. Kerbabaýew).

**TAPAR-TAPMAZLYK**, *at.* Özüni zordan oňarmaklyk, pukaralyk.

**TAPAWUT** [tapa:wut], *at.* Bir zadyň ikinji bir zatdan aýratynlygy, parhy.

**TAPAWUTLANDYRMAK** [tapa:wutlonnur-mok], *işl.* Bir zady beýlekiden aýyl-saýyl etmek. *Kartalary biri-birinden tapawutlandyrmak kyn, olaryň uzynlygy-da, giňligi-de bir meňzeş* ("Türkmenistan").

**TAPAWUTLANMA** [tapa:wutlonmo], *iş ady.* Tapawutlanmak ýagdaýy.

**TAPAWUTLANMAK** [tapa:wutlonmok], *işl.* Tapawut etmek, tapawutly bolmak, parh etmek, parhly bolmak. *Daşyndan göräýmäge bu adamyň beýleki adamlardan tapawutlanýan ýeri ýok ýalydy* (T. Taganow).

**TAPAWUTLANMAKLYK** [tapa:wutlon-mokluk], *iş ady.* Tapawutlanmak ýagdaýy.

**TAPAWUTLANMAZLYK** [tapa:wutlonmoz-luk], *iş ady.* Tapawut etmezlik.

**TAPAWUTLANYŞ** [tapa:wutlonuş], *iş ady.* Tapawutlanmak ýagdaýy.

**TAPAWUTLY** [tapa:wutly], *syp.* Beýlekilerden üýtgeşik, parhly, tapawut edýän. *Beýlekilerden tapawutly eser.*

**TAPAWUTLYLYK** [tapa:wutluluk], *at.* Tapawudy barlyk, beýlekilere meňzeş dällik, üýtgeşikligi barlyk, parhlylyk.

**TAPAWUTSYZ** [tapa:wussuz], *syp.* Beýlekilerden üýtgeşik tapawudy bolmadyk, özgelerden parhly bolmadyk, tapawut etmeýän, meňzeş. *Atlar üçin bu ýol tapawutsyzdy* (A. Gowşudow).

**TAPAWUTSYZLYK** [tapa:wussuzluk], *at.* Tapawudy bolmazlyk,beýlekilerden üýtgeşik ýeri bolmazlyk, özgelerden parhy bolmazlyk, tapawut etmezlik, meňzeşlik.

**TAPBA**, *hal.* Birden, duýdansyz. *Bu sözlere gyzyň ýüzi nar ýaly gyzaryp, gawun iýmesini tapba kesdi* (T. Gurbanow).

**TAPBAT** [tapba:t], *at.* Eliň aýa tarapy, eliň iç ýüzi.

**TAPBATLAMA** [tapba:tlama], *iş ady.* Tapbatlamak ýagdaýy.

**TAPBATLAMAK** [tapba:tlamak], *işl.* Peliň, ýeriň, raýyşyň we ş. m. ýüzüni piliň arkasy bilen urup endiganlamak, berkitmek. *Basylan böwedi ýene bir gezek tapbatlamagyň näme aýby bar* (B. Kerbabaýew).

**TAPBATLAMAKLYK** [tapba:tlamaklyk], *iş ady.* Tapbatlamak ýagdaýy.

**TAPBATLANMAK** [tapba:tlanmak], *işl.* Pel, raýyş, böwet we ş. m. piliň arkasy bilen urlup berkidilmek.

**TAPBATLAŞDYRMAK** [tapba:tlaşdyrmak], *işl.* Birnäçe gezek tapbatlamak. *Ol peliň gyralaryny pil bilen tapbatlaşdyrdy.*

**TAPBATLAŞMAK** [tapba:tlaşmak], *işl.* Tapbatlamak işine kömekleşmek; bilelikde tapbatlamak.

**TAPBATLATDYRMAK** [tapba:tlatdyrmak], *işl.* Tapbatlamagy başga birine etdirmek. *Ol pelleri oglanlara tapbatlatdyrdy.*

**TAPBATLATMAK** [tapba:tlatmak], *işl.* Tapbatlap berkitdirmek. *Tapbatlatmak işi.*

**TAPBATLAÝYŞ** [tapba:tlaýyş], *iş ady.* Tapbatlamak ýagdaýy.

**TAPBYLDAMA** [tapbyllama], *iş ady.* Tapbyldamak ýagdaýy.

**TAPBYLDAMAK** [tapbyllamak], *işl.* Tapbyldyly ses çykarmak, tapbyldyly ýöremek, tarpyldamak.

**TAPBYLDAMAZLYK** [tapbyllamazlyk], *iş ady.* Tapbyldyly hereket etmezlik.

**TAPBYLDAŞMAK** [tapbyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup tapbyldamak.

**TAPBYLDATDYRMAK** [tapbyllatdyrmak], *işl.* Ýörelende aýaklaryňy ýere gatyrak urup, tapbyldyly ses çykartdyrmak.

**TAPBYLDATMAK** [tapbyllatmak], *işl.* Duran ýa-da ýörän wagtyň aýaklaryňy ýere gaty urmak.

**TAPBYLDAÝYŞ** [tapbyllaýyş], *iş ady.* Tapbyldamak ýagdaýy.

**TAPBYLDY** [tapbylly], *at.* Ýörelende aýak sesinden ýa-da urulmakdan çykýan günleç sesiň ady, tarpyldy. *Öýde otyrkak daşarda bir tapbyldy eşidildi.*

**TAPDYRMAK**, *işl.* **1**. Tapmaga mejbur etmek, tapar ýaly etmek, tapmak işini başga birine etdirmek. *Zat hemişe tapdyrar ahyryn!* (A. Gowşudow). **2**. Tapmak mümkinçiligi bolmak, tapyp bolmak. *Emma, näme üçindir, uzakdaky öri meýdanlarynda olaryň biri hem tapdyrmaýar* ("Türkmenistan"). *Gözleýän kitabym tapdyrarmyka?*

**TAPDYRTMAK**, *işl.* Tapmak işini başga biriniň üstüne ýükläp etdirmek.

**TAPGYR I**, *syp.* Aňsatlyk bilen tapýan, tapagan. *Tüweleme, tapgyr ekeniň!*

**TAPGYR II**, *at.* **1**. Iberilýän, gelýän-gidýän, bir ýerde okadylýan adamlaryň bir gezekdäki topary, toplum. *Ýakyn günlerde ýaşlarymyzyň ilkinji tapgyry Gazagystana ugrar* ("Türkmenistan"). **2**. Bir zadyň ösüşinde, haýsydyr bir işde aýry-aýry pursatlar. **3**. Gezek, ýola, sapar. *Obanyň horazlary bolsa bir tapgyr gygyryp goýdular* (A. Durdyýew).

**TAPLAMA** [ta:plama], *iş ady.* Taplamak ýagdaýy.

**TAPLAMAK** [ta:plamak], *işl.* **1**. Gyzdyrmak arkaly çekiçläp, ýenjip ýiteltmek (pyçak, pil we ş. m. hakynda). *Ussa meniň kätmenimi taplaman, elime berdi* (A. Gowşudow). **2**. Ýasalan metal önümleriniň berkligini artdyrmak üçin olary gaýtadan gyzdyryp, soňra suwa, ýaga sokup suw bermek. *Bu palta gowy taplanypdyr.* **3**. *göç.m.* Durmuşda, zähmetde berkemek, bekemek, bişişmek.

**TAPLAMAKLYK** [ta:plamaklyk], *iş ady.* Taplamak ýagdaýy.

**TAPLAMAZLYK** [ta:plamazlyk], *iş ady.* Taplamak işini etmezlik.

**TAPLANMAK** [ta:planmak], *işl.* **1**. Gyzdyrylyp, ýenjilip ýüzi ýiteldilmek (pyçak, pil we ş. m. hakynda). **2**. Metal önümler gaty berk edilmek üçin gyzarýança gyzdyrylyp suwa, ýaga sokulyp, suw berilmek. **3**. *göç.m.* Berkemek, kämilleşmek, bişişmek, terbiýelenmek. *–Biziň doganlarymyz otda bişip, suwda taplandy – diýip, Gajar seslendi* (N. Jumaýew). **4**. *göç.m.* Gurplanmak, daýanmak, güýje gelmek, taba gelmek. *Oňa birneme taplanýança wagtal-wagtal ýokumly naharlar gerek* ("Edebiýat we sungat"). **5**.Taba gelmek (ýer hakynda).

**TAPLAŞDYRMAK** [ta:plaşdyrmak], *işl.* Birnäçesini ýa-da hemmesini taplap çykmak. *Ussa orak, pyçak, palta, pil ýaly gurallaryň hemmesini taplaşdyryp goýdy.*

**TAPLATMAK** [ta:platmak], *işl.* Taplamak işini başga birine etdirmek. *Işden gaýdyp gelen daýhanlar taplatmaga goýan pilleriniň yzyndan günüň şu wagty gelýärdiler* (A. Gowşudow).

**TAPLAÝYŞ** [ta:plaýyş], *iş ady.* Taplamak ýagdaýy.

**TAPMAÇA I**, **1**. *at, ser.* **Matal**. **2**. Jogaby oýlanylyp tapylmaly edilip düzülýän çylşyrymly oýun, kim bilmeşek. **3**. *göç.m.* Manysy öwrümli, göçme manyly söz, pikir, söz düzümi.

**TAPMA**, *işl.* Tapmak ýagdaýy.

**TAPMAK**, *işl.* **1**. Gözläp ýa-da agtaryp, bir zady ele salmak. *Tapan begener, tanan alar* (Nakyl). **2**. Pikirlenip, oýlanyp anygyny bilmek, anyklamak. **3**. Hasap etmek, netije çykarmak. *Aýdylan bellikleri dogry tapmaly.*

**TAPMAKLYK**, *iş ady.* Tapmak ýagdaýy.

**TAPSYZ** [ta:psyz], *syp.* Taby, mejaly bolmadyk, taby gaçan, halsyz, güýçsüz. *Olar tapsyz garry däl ahyry.*

**TAPSYZLYK** [ta:psyzlyk], *at.* Tabyň bolmazlyk, taby ýokluk, mejalsyzlyk, halsyzlyk, güýçsüzlik.

**TAPYLGYSYZ** [tapylğysyz], *syp.* Deňi-taýy bolmadyk, artykmaç; gymmat bahaly.

**TAPYLMAK**, *işl.* **1**. Agtarylyp, gözlenip ýüze çykarylmak. *Täze nebit ýataklary tapyldy.* **2**. Häzir bolmak, taýýar bolmak.

**TAPYNDY** [tapynny], *at.* Agtarylyp, gözlenip tapylan zat.

**TAPYNMAK**, *işl.* **1**. Özüň üçin bir zat tapmak, bir zatly bolmak. *Bizem özümize ogul tapyndyk* ("Görogly"). **2**. Duçar bolmak, uçramak, ýolukmak. *Bu gyzyň kakasy täze kesel tapyndy* (B. Pürliýew).

**TAPYRDADYŞMAK**, *işl.* Birnäçe ýa-da köp bolup yzygiderli tapyrdyly ses çykarmak. *Olar aýaklaryny tapyrdadyşyp, geçip gitdiler.*

**TAPYRDAMA**, *iş ady.* Tapyrdamak ýagdaýy.

**TAPYRDAMAK**, *işl.* Düýe ýaly haýwan çaltlyk bilen ýerinden galanda, aýagyňy ýere batly urup, başly-barat, sazlaşyksyz ýörelende we ş.m. ýagdaýda tapyrdyly ses çykmak. *Düýe tapyrdap ýerinden galdy.*

**TAPYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Tapyrdamak ýagdaýy.

**TAPYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup tapyrdamak. *Goýunlar bir zatdan ürküp, tapyrdaşyp ördüler.*

**TAPYRDATMAK**, *işl.* Aýaklaryňy ýere urup tapyrdy döretmek. *Ol aýaklaryny tapyrdadyp ugrady.*

**TAPYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Tapyrdamak ýagdaýy.

**TAPYRDY**, *at.* Düýe ýaly haýwan çaltlyk bilen ýerinden galanda, aýagyň ýere batly urlup, başly-barat, sazlaşyksyz ýörelende we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady. *Itleriň sesine we süriniň tapyrdysyna ol hem derrew oýandy* ("Mugallymlar gazeti").

**TAPYR-TUPUR**, *hal.* Çaltlyk bilen, örän tiz, dessine, hasyr-husur, bada-bat. *Ol aýalynyň soraglarynyň birine-de jogap bermän, tapyr-tupur ýatdy* (N. Saryhanow).

**TAPYŞDYRMAK I**, *işl.* Birnäçe zady yzly-yzyna tapmak. *Gerekli zatlaryny tapyşdyrdy.*

**TAPYŞDYRMAK II**, *işl.* **1**. Biri-birine ýelmeşdirmek, birleşdirmek. *Gapyrgamy tapyşdyrdyň-la.* **2**. Durmuş gurmak üçin gyz bilen oglany duşurmak, sataşdyrmak.

**TAPYŞMA**, *iş ady.* Tapyşmak ýagdaýy.

**TAPYŞMAK I**, *işl.* Bir zady tapmaga kömek etmek.

**TAPYŞMAK II**, *işl.* **1**. Biri-biriňi tapmak, biri-biriňe sataşmak. *Altyn bilen meniň şu gije şu ýerde tapyşmaly wadamyz bardy* (A. Durdyýew). **2**. Birleşmek, birikmek, sepleşmek. *Obanyň aňyrsynda iki baýyr tapyşyp, olaryň arasy jülge bolup gidýär* ("Türkmenistan"). *Gyz birden ýylgyrdy, birdenem onuň gara gaşlary tapyşdy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Goşulyşyp durmuş gurmak, är-aýal bolmak. *Indi ikimize tapyşmaga wagt ýetdi* (A. Durdyýew).

**TAPYŞMAKLYK**, *iş ady.* Tapyşmak ýagdaýy.

**TAPYŞYK**, *at, ser.* **Duşuşyk**. *Häzirki tapyşykda ol özüni bütin dünýäniň bagtly adamsy hasap etdi* (B. Kerbabaýew).

**TAR** [ta:r], *at.***1**. Köp kirişli, uly kädili, kiriş kakar bilen çalynýan halk saz guraly. **2**. Owaz döretmek üçin saz gurallaryna dakylýan inçe polat sim, çig ýüpek ýa-da haýwan içegelerinden taýýarlanýan kiriş. *Gyjakçylar çalsa elde baryny, Sen çekýärsiň tamdyranyň taryny* (N. Pomma). **3**. *şahyr.* Saçyň, ýüplügiň we ş.m. bir gaty, dini. *Baglanandyr boýnum taryna gyzyň* (Mätäji).

◊ **Taryna kakmak** pikirini bilmek üçin birini barlap görmek.

**TARA**, *at.* Öý şertlerinde ýüpek, nah mata dokamak üçin gadymdan bäri ulanylýan dokmaçylyk guraly. *Dilmaç bolsaň, araçy ýaly munuň sözüni oňa, onuň sözüni bolsa muňa ýetirmeli, meňzedip aýtsam, taranyň ikibaka argaç geçirýän mäkisi bolmaly* (B. Kerbabaýew).

**TARAÇ**, *at, k. d.* Talaň. *Golumdaky şuňkar guşum uçurdym, Taraç aldy, maly-mülküm galmady* ("Şasenem – Garyp").

◊ **Taraç etmek** talamak. *Pelek meni hasrat bile öldürip, Taraç etdi bu kerwenni sen eşit* ("Melike-Dilaram").

**TARAÇY**, *at.* Tara guralynda dürli el matasyny dokaýan adam (esasan, aýal maşgala).

**TARAKAN**, *at*, *ser.* **Saçakçy**.

**TARAKGA**, *at.* **1**. Gürpüldisi bilen duşmany gorkuzmak üçin, diňe däri doldurylan oksuz, pagtabent ýarag. *Ýüz adam seçeliň, tarakga çatladyň, oglany gorkuzyň!* ("Kitaby dedem Gorkut"). **2**. Öýe myhman çagyrylanda görülýän taýynlyk. *Meniň üçin beýle tarakga gurjak bolmaň.*

**TARAKGY**, *at, kön. s.* Bezeg, timar. *Garyp gyzyny görki bilen, baý gyzyny tarakgysy bilen* (Nakyl). *Özüne tarakgy berip ýören gyz däl, şonda-da boýdaşlaryndan saýlanyp dur* (O. Ödäýew).

**TARAP**, *at.* **1**. Bir zadyň belli bir ugrundaky ýer, giňişlik hem-de şol ugruň özi. **2**. "Baka, garşy" manysynda ulanylýan sözsoňy kömekçi. **3**. Gapdal, ýan. *Ol göz açyp-ýumasy salymda onuň beýle tarapyna towsup geçdi* (G. Kulyýew). **4**. Biri-birine garşy durýan adam ýa-da adamlar topary. *Sen hem indi olaryň tarapyna geçdiňmi?* (B. Pürliýew). **5**.

Adamyň häsiýetine degişli bolan gylyk-häsiýet, sypat.

◊ **Tarapyny çalmak** biri-birine garşy durýanlaryň birini goldamak.

**TARAPDAR** [tarapda:r], *syp., at.***1**. Biriniň arkasyny çalýan, ony goldaýan. **2**. Haýsydyr bir garaýyşlara, taglymatlara eýeriji; olary goldaýan, olara uýýan.

**TARAPDARLYK** [tarapda:rlyk], *at.* Tarapdar bolmaklyk.

**TARAPGÖÝ** [tarapgö:ý], *syp.* Biriniň ýa-da özüne ýakyn adamlaryň tarapyny tutýan, arkasyny çalýan. *Bular tüýs tarapgöý, görýärmiň, Bahar hem Täjigülüň arkasyny çalyp başlady* (A. Gowşudow).

**TARAPGÖÝLIK** [tarapgö:ýlük], *at.* Tarapgöý bolmaklyk, tarapgöý häsiýetlilik.

**TARAPLAÝYN: hemme taraplaýyn** hemme tarapdan, her tarapdan, doly, jikme-jik. *Barlag gelende iş hemme taraplaýyn barlandy.* **Her taraplaýyn** *ser.* **Hemme taraplaýyn**.

**TARAPLY**, *syp.* Tarapy bar bolan. *Köp taraply dörtburçluk.*

◊ **Bir taraply** doly däl, çäkli. *Hüjüm bir taraplydy.* **Köp taraply** dürli, birnäçe görnüşli. *Bu günler çagalaryň köp taraply işleriniň iň bir möwç urýan pursaty* ("Mugallymlar gazeti").

**TARAPYN** [tarapy:n], *hal.* Tarapyndan. *Beýle zatlar Alla tarapyndyr.*

**TARAŞ: taraş bermek** pil bilen ýylmamak, endiganlamak, taraşlamak. *Tümüň agzynyň käbir ýerlerini gyrdaşdyryp, ýylmamaga, taraş bermäge durdy* (A. Gowşudow).

**TARAŞKEPJE**, *at.* Pagsany, gory tekiz gyrmak, ýylmamak üçin agzy ýasy pil, kepje.

**TARAŞLAMA**, *iş ady.* Taraşlamak ýagdaýy. *Indi diwaryň taraşlama işi galdy.*

**TARAŞLAMAK**, *işl.* **1**. Pil bilen ýylmamak, timarlamak, bejermek, endiganlamak. *Kä eline pilin alyp, taraşlardy joýasyny* (M. Seýidow). *Meret atyzlaryň arasyndaky çiljagazlary taraşlap ýördi* (B. Öwezow). **2**. Bir zada timar bermek, syntgylamak, sünnälemek. *Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň, Senden soňkulara ýadygär bolar* (Magtymguly).

**TARAŞLAMAKLYK**, *iş ady.* Taraşlamak ýagdaýy.

**TARAŞLANMAK**, *işl.* Üsti, ýüz tarapy pil bilen ýylmanmak, rejelenmek, bejerilmek, timarlanmak, tekizlemek. *Gyralary mazaly taraşlanan ýabyň iç ýüzi kem-kemden derläp, çaý içýän adamyň maňlaýy ýaly, derçigmäge başlady* (B. Öwezow).

**TARAŞLAŞDYRMAK**, *işl.* Taraşlap çykmak.

**TARAŞLAŞMAK**, *işl.* **1**. Taraşlamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup taraşlamak.

**TARAŞLATMAK**, *işl.* Taraşlamagy başga birine etdirmek; taraşlamaga mümkinçilik bermek. *Diwary taraşlatdy.*

**TARAŞLAÝYŞ**, *iş ady.* Taraşlamak ýagdaýy.

**TARAŞMAN** [taraşma:n], *at, gepl.d.* Laýdan, palçykdan salnan jaýyň diwarlaryny timarlaýan ussa.

**TARAWA** [tarawo], *at.* Her oraza aýynda (oraza gutarýança her gün) jemagat bolup, ýassy namazyndan soň we Witir namazyndan öň 20 gezek eglip galynýan namaz.

**TARAZ** [tara:z], *at.* Ýabyň, kanalyň, derýanyň suwunyň bölünýän ýeri, saka, teraz.

**TARAZLAMA** [tara:zlama], *iş ady.* Tarazlamak ýagdaýy.

**TARAZLAMAK** [tara:zlamak], *işl.* Suwy taraz arkaly bölmek.

**TARAZLANMAK** [tara:zlanmak], *işl.* Tarazlanyp bölünmek. *Suw ýaplara tarazlanyp akdyryldy.*

**TARAZLAÝYŞ** [tara:zlaýyş], *iş ady.* Tarazlamak ýagdaýy.

**TARHAN**, *at, syp.* **1**. *kön.s.* Orta asyrlarda käbir türki halklarda salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýan adam. **2**. Islegine göra erkin hereket etmäge, ýaşamaga hukuk gazanan. *Bolýar, onda, sen tarhan, ötägit!* (Halk ertekisinden). *Sen bir tarhan adam, näme edesiň gelse edibermeli bolarsyň-da.* **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Tarhan haty** *kön. s.* birine ýurduň hökümdarynyň ýeňillikleriň berilýändigini tassyklamak üçin beren haty.

**TARHANDÖKER** [tarhannökör], *at.* Çendenaşa eli açyk, jomart, sahy.

**TARHANDÖKERLIK** [tarhannökörlük], *at.* Çendenaşa jomartlyk, eli açyklyk, sahylyk.

**TARHANLYK**, *at.* **1**. Tarhan bolmaklyk, islegine görä hereket etmäge haklylyk. *Tarhanlyk başga, işe geleňsizlik başga* (B. Kerbabaýew). **2**. *ser.* **Tarhandökerlik**. *Tarhanlyk etmek.*

**TARHUN** [tarhu:n], *at.* Kökünden we baldagyndan köpelýän kiçijik süýri ýaprakly iýilýän köpýyllyk ot. *Ol bazardan bir bogy tarhun satyn aldy.*

**TARIF** [tary:f], *at.* **1.** Resmi taýdan bellenen ölçeg we haýsydyr bir zadyň bahalar (nyrhlar), tölegler sistemasy. *Demir ýol tarifi. Gümrükhana tarifi. Salgytlar tarifi. Aragatnaşyk tarifi.* **2**. Bir zat üçin kesilýän nyrhyň, tölemeli tölegleriň tablisasy, sanawy. *Töleg puluny tarif bilen deňeşdirip barlamak.*

**TARK**, *s.ş.aňl.söz.* Ýeke sapar tarkyldap çykýan ses, tarkyldy. – *Haw, sen ýalňyşýarsyň – diýip, Annaguly sözüni soňlamanka, tark edip atdy* (A. Durdyýew).

**TARK-TARK**, *s. ş. aňl. söz.* Agaja, demre gaty zat bilen urlanda yzly-yzyna çykýan sesler, tark-turk.

**TARK-TURK**, *s. ş. aňl. söz.* Tüpeň yzly-yzyna atylanda çykýan sesler. *Häliden bäri käte bir çykýan tark-turkam ýatypdy* (A. Nazarow).

**TARKYLDAMA** [tarkyllama], *iş ady.* Tarkyldamak ýagdaýy.

**TARKYLDAMAK** [tarkyllamak], *işl.* **1**. Agaja, demre gaty zat bilen urlanda tarkyldyly ses çykmak. **2**. Atylmak, göçmek (tüpeň hakynda). *Tüpeňler yzly-yzyna dört gezek tarkyldady* (B. Kerbabaýew).

**TARKYLDAMAKLYK** [tarkyllamaklyk], *iş ady.* Tarkyldamak ýagdaýy.

**TARKYLDATMAK** [tarkyllatmak], *işl.* **1**. Agaja, demre gaty zat bilen urup, tarkyldadyp seslendirmek.

*Ol pyýada derwezäniň bir tarapyna söýenip, derwezäni tarkyldatmaga durdy* (A. Gowşudow). **2**. Atmak, atyp goýbermek. *Seniň eliňe ýarag berseler, elbetde, tarkyldadarsyň* (B. Kerbabaýew).

**TARKYLDAÝYŞ** [tarkyllaýyş], *iş ady.* Tarkyldamak ýagdaýy.

**TARKYLDY** [tarkylly], *at.* **1**. Gaty zatlar biri-birine degende çykýan sesiň ady. *Az salymdan soň gapynyň ýuwaşja kakylýan tarkyldysy ýene-de gaýtalandy* (N. Geldiýew). **2**. Tüpeň sesi. *Bir tarkyldy eşidildi.*

**TARLAMA**, *iş ady.* Tarlamak ýagdaýy.

**TARLAMAK**, *işl.*Traktor ýörände, motor işlände we ş.m. ýagdaýda tarryldyly ses döremek.

**TARLAMAKLYK**, *iş ady.* Tarlamak ýagdaýy.

**TARLAŇ**, *at.* Laçyna meňzeş elguş. *Tarlaň kimin dalmanyp, akyl huşum alyp sen, Her kim görse jemalyň, janyna ot salyp sen* (Mollanepes).

**TARLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat tarlamak. *Olar gaty-gatydan tarlaşyp, pessejikden uçýardylar* (H. Ysmaýylow).

**TARLATDYRMAK**, *işl.* Maşyn-motorlary tarryldyly seslendirmek, tarlatmaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**TARLATMAK**, *işl.* Tarryldyly seslendirip sürmek. *Bu günem hemişeki ýaly motoryny tarladyp geler* (T. Gurbanow). *Ol traktoryny tarladyp gelýär.*

**TARLAWUK** [tarlowuk], *at, ösüml.d.* Göktorla meňzeş gawunyň bir görnüşi. *Akmaňyz tarlawuklar, garrygyzlar, gülabylar ýylmanak endamlaryny tor bilen bezäp, müňlerçesi düňderilişip ýatyr* (B. Kerbabaýew).

**TARLAÝYŞ**, *iş ady.* Tarlamak ýagdaýy.

**TARP** [taryp] **I**, *at.* Ekin ekilmän ýatan boz ýer.

**TARP** [taryp] **II**, *s.ş. aňl.söz.* Köwüşli aýagyň bilen batly ýörelende we ş.m. ýagdaýda çykýan ses.

**TARPA-TAÝYN** [tarpa-ta:ýyn], *hal.* Birdenkä, duýdansyz. *Tarpa-taýyn aradan çykmak.*

**TARPDAN** [tarypdan], *hal.* Dereginde hiç zat bolmazdan, düýpgöter täzeden.

**TARPLYK** [taryplyk], *at.* Tarp meýdanlar, tarp ýerler.

**TARP-TARP**, *s.ş.aňl.söz.* Yzly-yzyna çykýan tarpyldyly sesler.

**TARPYLDAMA** [tarpyllama], *iş ady.* Tarpyldamak ýagdaýy.

**TARPYLDAMAK** [tarpyllamak], *işl.* Tarpyldyly ses çykmak, tarp-tarp edip ýöremek.

**TARPYLDAMAZLYK** [tarpyllamazlyk], *iş ady.* Tarpyldyly hereket etmezlik.

**TARPYLDAŞMAK** [tarpyllaşmak], *işl.* Birnäçe zat tarpyldamak.

**TARPYLDATDYRMAK** [tarpyllatdyrmak], *işl.* Tarpyldatmaga mejbur etmek, tarpyldadyp durmaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**TARPYLDATMAK** [tarpyllatmak], *işl.* Duran ýa-da ýörän wagtyň aýaklaryňy ýere gaty urmak.

**TARPYLDAÝYŞ** [tarpyllaýyş], *iş ady.* Tarpyldamak ýagdaýy.

**TARPYLDY** [tarpylly], *at.* Ýörelende aýak sesinden ýa-da urulmakdan çykýan güňleç sesiň ady. *Böküşýär uly märeke, Çykýar gykylyk, tarpyldy* (Ç. Aşyrow).

**TARRYLDAMA** [tarryllama], *iş ady.* Tarryldamak ýagdaýy.

**TARRYLDAMAK** [tarryllamak], *işl., ser.* **Tarlamak.**

**TARRYLDAMAZLYK** [tarryllamazlyk], *iş ady.* Tarryldyly ses çykarmazlyk.

**TARRYLDAŞMAK** [tarryllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde tarryldamak.

**TARRYLDATMAK** [tarryllatmak], *işl.* Tarryldyly seslendirip motor we ş. m. sürmek. *Ol köneje motoryny tarryldadyp geçip gitdi.*

**TARRYLDAÝYŞ** [tarryllaýyş], *iş ady.* Tarryldamak ýagdaýy.

**TARRYLDY** [tarrylly], *at.* Maşynlaryň işleýän wagty çykýan sesiň ady. *Motoryň tarryldysy.*

**TARS-TARS** [tarys-tarys], *s. ş. aňl. söz.* Ýürek, damar yzly-yzyna batly uranda eşidiler-eşidilmez derejede çykýan ses. *Ýüregim tars-tars edip urýar.*

**TARSYLDAMA** [tarsyllama], *iş ady.* Tarsyldamak ýagdaýy.

**TARSYLDAMAK** [tarsyllamak], *işl.* Tars-tars edip urmak, düňküldäp güýçli urmak (ýürek, damar we ş. m. hakynda). *Diňşirgäp kämahal birden durýardy, Ýüregi tarsyldap, batly urýardy* (A. Kekilow).

**TARSYLDAMAKLYK** [tarsyllamaklyk], *iş ady.* Tarsyldamak ýagdaýy.

**TARSYLDAMAZLYK** [tarsyllamazlyk], *iş ady.* Tars-tars edip durmazlyk.

**TARSYLDAŞMAK** [tarsyllaşmak], *işl.* Birnäçe adamyň ýüregi ýa-da bir adamyň birnäçe ýeriniň damary tarsyldamak. *Elimiň, kellämiň damarlary tarsyllaşyp dur.*

**TARSYLDATMAK** [tarsyllatmak], *işl.* Ýüregiňi urdurmak, tars-tars etdirmek.

**TARSYLDAÝYŞ** [tarsyllaýyş], *iş ady.* Tarsyldamak ýagdaýy.

**TARSYLDY** [tarsylly], *at.* Ýürek tars-tars edende döreýän eşidiler-eşidilmez sesiň ady.

**TARYH** [ta:ry:h], *at.* **1**. Adamzat jemgyýetiniň geçmiş hakykatyny we dürli ýagdaýyny öwrenýän ylym. *Türkmenistanyň taryhy.* **2**. Geçmiş ýaşaýyş durmuşyna degişli ýagdaýlaryň, wakalaryň jemi, adamlaryň aňynda galan geçmiş. **3**. Tebigatyň, medeniýetiň, ylmyň yzygiderli ösüşini, üýtgeýşini öwrenýän ylym. *Sazyň taryhy. Diliň taryhy.* **4**. Biri ýa-da bir zat bilen baglanyşykly wakalaryň jemi. *Biz onuň taryhyny bilýärdik.*

◊ **Taryha girmek** taryhda yz galdyrmak. **Taryhyň çarhy** bolup durýan wakalaryň yzygiderli gelip-geçip durşy, zamananyň öwrülişi.

**TARYHÇY** [ta:ry:hçy], *at.* **1**. Taryh ylmy boýunça hünärmen. *Bu ses öz eýesini tanatdy, ol şol Ýelli üçin sawçy bolup, Pökgeniň ýanyna baran taryhçy Hojamyň sesidi* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Taryh mugallymy.

**TARYHY** [ta:ry:hy], *syp.* Taryha esaslanan, taryha degişli. *Taryhy waka.*

**TARYP** [ta:ry:p], *at.* Biri ýa-da bir zat hakyndaky öwgi, wasp, mahabat. *Söwer ýaryň tarypyny aýdaly, Gitme, ak maralym, gel maňa garşy* (Kemine).

◊ **Taryp haty** okuwçylaryň oňat ýetişigi, işgäriň oňat işländigi üçin berilýän sylag haty.

**TARYPÇY** [ta:ry:pçy], *at.* Bir zadyň tarypyny edýän, waspyny ýetirýän.

**TARYPLAMA** [ta:ry:plama], *iş ady.* Taryplamak ýagdaýy.

**TARYPLAMAK** [ta:ry:plamak], *işl.* Birini ýa-da bir zady taryp etmek, wasp etmek, öwmek.

**TARYPLAMAKLYK** [ta:ry:plamaklyk], *iş ady.* Taryplamak ýagdaýy.

**TARYPLAMAZLYK** [ta:ry:plamazlyk], *iş ady.* Taryp etmezlik.

**TARYPLANMAK** [ta:ry:planmak], *işl.* Biri ýa-da bir zat taryp edilmek, öwülmek, öwgüsi ýetirilmek, adyna hoş söz aýdylmak, hoş söz bilen ady tutulmak.

**TARYPLATMAK** [ta:ry:platmak], *işl.* Özüňi birine öwdürmek, adyňa öwgüli sözleri aýtdyrmak. *Ol dostuna ýygnakda özüni taryplatdy.*

**TARYPLAÝYŞ** [ta:ry:plaýyş], *iş ady.* Taryplamak ýagdaýy.

**TARYPLY** [ta:ry:ply], *syp.* Öwgüli. *Ilki Hoşgeldiniň Wüşi kel hakynda aýtjak taryply sözlerini isledi* (A. Gowşudow).

**TAS I**, *hal.* Tasdan, neden. *Her sapar çopanlaryň sargydyny taýýarlamak dükança tas tutuş gün diýen ýaly iş bolýardy* (G. Gurbansähedow).

**TAS II: tasa getirmek** delile getirmek, delillendirmek. *Özüniň ýerliksizräk beren soragyny tasa getirmäge dyryşdy* (N. Pomma).

**TAS** [ta:s], *at.* **1**. Tabak, gap. *Geldi Leýli bossana, tylla tasy golunda* (Talyby). **2**. Legen (kir ýuwulýan uly mis ýa-da demir gap). *Suwa gitdim tas bilen, Suw aldym höwäs bilen* (Läleden).

**TASAMA** [ta:sama], *iş ady.* Tasamak ýagdaýy.

**TASAMAK** [ta:samak], *işl.* **1**. Gorkup, ürküp gaçmak, baş bermän gitmek. *Tasan guzy ýaly ylgap gitdiler* (Ç. Aşyrow). **2**. Aldyrany bar ýaly ylgamak, hasanaklamak; howlukmaç ýöräp, ylgap gelmek, gitmek. *Gyssanan günümde gelmedik tasap, "Dostduryn"diýeni bilmedim tanap* (G. Daşgynow). **3**. Iki ýana yranmak, eýläk-beýläk ykjamak. *Towlanyp oýan-buýana, Tasar gara zülpüň seniň* (Halk aýdymyndan).

**TASAMAKLYK** [ta:samaklyk], *iş ady.* Tasamak ýagdaýy.

**TASAMAZLYK** [ta:samazlyk], *iş ady.* Tasap ýörmezlik.

**TASANJYRAMAK** [ta:sanjyramak], *işl.* Gaharlanyp siltenjiremek, öýke edip, çalt hereket etmek. *Onsoň ol gahar bilen tasanjyrap galdy* (N. Saryhanow).

**TASAŞMAK** [ta:saşmak], *işl.* Bilelikde tasamak. *Ýelli bilen Wüşi kel hem tasaşyp geldiler* (A. Gowşudow).

**TASATDYK**, *at, k. d.* Sadaka, hudaýýoly. *Diňle, mesgen tutan kişi çöllerde, Tasatdyk kemelse ulug illerde* (Magtymguly). *Käşgi görsem ýüzün, kylsam tasatdyk malymy* (Mollanepes).

**TASATLYK**, *at, gepl.d., ser.* **Tasatdyk.** *Ötengeçenlere tasatlyk bolsun!*

**TASATDYRMAK** [ta:satdyrmak], *işl.* Tasamaga maý bermek, ýol bermek, tasamaga mümkinçilik bermek.

**TASATMAK** [ta:satmak], *işl.* **1**. Ürküzip aýagaldygyna gidermek. **2**. *göç.m.* Aýagaldygyna sürmek, örän gaty sürmek. *Ol ýorgasyny tasadyp gelýärdi.***3**. *göç.m.* Iki ýana ykdyrmak, galgatmak. *Gulpagyn tasadyp, hiç hili zadyň, Aladasyn etmän, böker ýörerdi* (A. Kekilow).

**TASAÝYŞ** [ta:saýyş], *iş ady.* Tasamak ýagdaýy.

**TASDAN** [tassan], *hal, ser.* **Tas**. *Aýgül tasdan "meniň bilen dikleşeninden habaryň ýokmy" diýip sorapdy* (B. Kerbabaýew).

**TASLAMA**, **1**. *iş ady.* Taslamak ýagdaýy. **2**. *at.* Agaçdan, demirden, daşdan ýasaljak bir şekiliň, suratyň bejerilip, çekilip gutarylmadyk nusgasy, sudury. *Suratlaryň taslamasyny çekmek.* **3**. *at.* Kabul ediljek kararlaryň, permanlaryň, maksatnamalaryň, ylalaşyklaryň, beýannamalaryň ýazylan, taýýarlanan nusgasy.

**TASLAMAK**, *işl.* **1**. El ujundan, başardygyndan bir zady ýasamak. *Ol taslan oturgyjyna bir laý göz gezdirdi.* **2**. Bir zadyň nusgasyny, suduryny taýýarlamak. *Ussa demri ýenjip otyr, Ýenjip otyr ony taslap* (M. Seýidow).

**TASLAMAKLYK**, *iş ady.* Taslamak ýagdaýy.

**TASLAMAZLYK**, *iş ady.* Taslamak işini ýerine ýetirmezlik.

**TASLANMAK**, *işl.* Bir zadyň şekili, nusgasy bejerilip taýýarlanmak. *Bu tikilýän geýimler ilki biçimçilik bölüminde taslanýar* ("Nesil").

**TASLAŞMAK**, *işl.* **1**. Taslamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup taslamak.

**TASLATMAK**, *işl.* Bir zadyň şekilini, suduryny taýýarlatmak.

**TASLAÝYŞ**, *iş ady.* Taslamak ýagdaýy.

**TASMA**, *at.* Inçeden uzyn edilip, gyýylyp alnan ham, gaýyş. *Tasma gamçy bolsa onuň ýagyrnysynda ýer edipdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Tasma almak** biriniň ýa bir jandaryň hamyndan bir bölek kesip almak. *Batrak baýyň ýagyrnysyndan bir tasma aldy* ("Türkmen halk ertekileri").

**TASSYK** [tassy:k]: **tassyk etmek 1**) gutarnykly suratda bellemek, resmi suratda tassyklamak. *Meýilnamalary tassyk etmek. Wezipä bellenenligini tassyk etmek.* **2**) bir zadyň dogrulygyny ykrar etmek, güwä geçmek, şaýatlyk etmek. *Muny nädip tassyk edip bolar? Goluň hakykylygyny tassyk etmek.*

**TASSYKLAMA** [tassy:klama], *iş ady.* Tassyklamak ýagdaýy.

**TASSYKLAMAK** [tassy:klamak], *işl.***1**. Makullamak, makul bilmek, kabul etmek. **2**. Bir işe, wezipä bellemek, tassyk etmek. *Ony mekdebiň direktorlygyna tassyklapdyrlar.***3**. Subut etmek, şaýatlyk etmek. *Olar bu ýerde nebitiň bardygyny*

*tassyklamalydylar* (Ş. Borjakow). **4**. Tassyk etmek, resmileşdirmek. *Möhüriň ýazgysyny tassyklamak.*

**TASSYKLAMAKLYK** [tassy:klamaklyk], *iş ady.* Tassyklamak ýagdaýy.

**TASSYKLANMAK** [tassy:klanmak], *işl.* **1**. Bir işe, wezipä, bellenmek, tassyk edilmek. **2**. Makul bilinmek, makullanmak.

**TASSYKLAŞMAK** [tassy:klaşmak], *işl.* Biri-biriniň aýdanyny makullamak, dogry diýip tapmak, makullaşmak, bilelikde tassyklamak. *Hawa, şeýle-le – diýşip, ýerli-ýerden onuň gürrüňini tassyklaşdylar* (A. Gowşudow).

**TASSYKLATDYRMAK** [tassy:klatdyrmak], *işl.* Bir zady tassyk etdirmek. *Öz aýdan sözlerini kim-de bolsa birine tassyklatdyrmak isläp: – Şeýle dälmi-aýt, Annamyrat? – diýdi* (B. Kerbabaýew).

**TASSYKLATMAK** [tassy:klatmak], *işl.* **1**. Bir işe, wezipä belletmek, tassyk etdirmek. **2**. Kabul etdirmek, makullatmak.

**TASSYKLAÝYŞ** [tassy:klaýyş], *iş ady.* Tassyklamak ýagdaýy.

**TASSYKNAMA** [tassy:kna:ma], *at.* **1**. Bolup geçen bir hereketiň, edilen işiň netijesi hakynda ýazylan resmi hat. **2**. Subutnama. *Bu sungat baýramçylygy iki ýurduň doganlygynyň aýdyň tassyknamasy boldy.*

**TASYL**, *at.* Bir zady etmegiň ugur-ýoly. *Meniň maşgalamyň içiniň iň bir bihepbesi, hiç zadyň usulyny, tasylyny bilmän ýöreni şu Güjükdir* (A. Gowşudow).

**TAŞA**, *at.* Mal-garanyň daşyna gorag üçin edilýän agyl, aýmança. *Ýylgynlardan kesip, mellekleriň gyrasyna taşa etmeklik karar edildi* ("Nesil").

**TAŞLAMA**, **1**. *iş ady.* Taşlamak ýagdaýy. *Eliňdäki işiňi ýere taşlamaňy bes et!*

**TAŞLAMAK**, *işl.* **1**. Zyňyp goýbermek, oklamak. **2**. Bir zady ulanmagy bes etmek, goýmak. *Men çilimi taşladym.* **3**. Galdyrmak, goýup gitmek. *Hiç kim obany taşlap göçmedi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Ýazmak, düşemek. *Dört töweregine giň edip keçe taşlap, seleň ýer etdiler* (B. Seýtäkow). **5**. Guzlamak, dogurmak. *Baýtalynyň gün-sähedi dolup, tazyň çagasy ýaly bir zat taşlady* ("Görogly"). **6**. Ýüz öwürmek, ýanynda ýaşamazlyk. *Imansyz atasyndan-a muňa rehnet bolmady, çagajykka taşlap gitdi* (T. Gurbanow).

**TAŞLAMAKLYK**, *iş ady.* Taşlamak ýagdaýy. *Edip oturan işiňi taşlamaklyk gowy däl.*

**TAŞLAMAZLYK**, *iş ady.* Zyňmazlyk, äpbermezlik, ätibermezlik.

**TAŞLANDY** [taşlanny], *at.* **1**. Ulanylyşdan galan zat, zyňlan, taşlanan zat, zir-zibil, zyňyndy.*Ol şol günleriň birinde oňa bir warak, taşlandy dutar satyn alyp berdi* (N. Saryhanow). **2**. Peýdalanylmasy bes edilen, ulanylmaýan. *Garagumuň taşlandy guýularyny hem bihal görmeli däl* ("Edebiýat we sungat").

**TAŞLANMAK**, *işl.* **1**. Zyňylmak, oklanmak. **2**. Galdyrylmak, goýlup gidilmek. **3**. Düşelmek, ýazylmak.

**TAŞLAŞDYRMAK**, *işl.* Taşlap çykmak, birnäçe zady zyňyşdyrmak, zyňyşdyryp goýbermek, oklaşdyrmak. *Zatlary çem gelen ýere taşlaşdyryp gitmäň.*

**TAŞLATDYRMAK**, *işl., ser.* **Taşlatmak**. *Ol Oraza çilimini taşlatdyrdy.*

**TAŞLATMAK**, *işl.* Taşlamaga mejbur etmek, taşlar ýaly etmek; bes etdirmek.

**TAŞLAÝYŞ**, *iş ady.* Taşlamak ýagdaýy.

**TATAR**, *at, ser.* **Tatarlar**. *Tatar dili. Tatar edebiýaty.*

**TATARLAR**, *at.* Tatarystanyň ýerli halky.

**TATYRDAMA**, *iş ady.* Tatyrdamak ýagdaýy.

**TATYRDAMAK**, *işl.* Tatyrdyly ses etmek, tatyrdyly ses çykmak.

**TATYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Tatyrdamak ýagdaýy.

**TATYRDAŞMAK**, *işl.* Köpçülikleýin tatyrdamak.

**TATYRDATMAK**, *işl.* Tatyrdyly seslendirip atmak; tatyrdyly seslendirip işletmek, sürmek. *Onuň köneje motoryny tatyrdadyp geçip barýanyny gören bar.*

**TATYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Tatyrdamak ýagdaýy.

**TATYRDY**, *at.* Awtomat, pulemýot ýaly ot açýan ýaraglar yzly-yzyna atylanda ýa-da sesini basýan enjamy işlemeýän maşynyň motory otlananda döreýän sesiň ady.

**TAWUS** [ta:wus], *at.* **1**. Sülgünler maşgalasyndan bolan owadan ýelekli uly guş. **2**. Gyza dakylýan at.

**TAWUŞ** [ta:wuş], *at.* Ses, owaz. *Tawuşy erem bilbili* (Mollanepes). *Garyndaşyň tawuşy garaňkyda belli* (Nakyl).

**TAÝ**, *at.* Baýtalyň bir ýaşa çenli ýaşajyk gunany. *Hem daýymlara barýaryn, hem taýyma baş öwredýärin* (Nakyl).

**TAÝ** [ta:ý] **I**, *at.* **1**. Iki sany meňzeş zadyň her biri, her haýsysy, jübüt zadyň biri. *Köwşüň taýy. Jorabyň taýy. Ekiz taýy.* **2**. Deň gelýän, barabar, özi ýaly. *Göwher sepýän üstünden ýigit bilen geliniň, Sahylykda taýy ýok onuň açyk eliniň* (M. Seýidow). **3**. Urulýan ýüküň bir gapdaly. *Ynha, iki taý ýük, göter haýsyny göterseň* (H. Derýaýew).

**TAÝ** [ta:ý] **II**, *at.* Tarap, ugur, ýer. *Ol kümüş gynly gylyjynyň baljak taýyny özüne bakan öwürdi-de gobsundy* (B. Kerbabaýew). *O taýda näme işlemekçi?*

**TAÝAGATYM** [taýağatym], *at.* Adamyň taýagy zyňyp bilýän aralygy. *Aralyk taýagatym ýaly ýerdi.*

**TAÝAK**, *at.* **1**. Goranmak we ş.m. maksatlar üçin ulanylýan düwünsiz, ýylmanak şaha bölegi. *Çopan taýagy.* **2**. *ser.* **Hasa**. *Ol taýagyna söýenip, seredip durdy* (H. Ysmaýylow).

◊ **Taýak gelýänçä – ýumruk** bir zat bilen oňşuk etmek, bary bilen bazar eýlemek. **Taýak iýmek** pugta ýeňjilmek, urulmak.

**TAÝAKDIKDIR** [taýakdikdi:r], *at.* Birnäçe taýak dikilip oýnalýan çaga oýunlarynyň bir görnüşiniň ady. *Geliň, taýakdikdir oýnalyň!*

**TAÝAKLAMA**, *iş ady.* Taýaklamak ýagdaýy.

**TAÝAKLAMAK**, *işl.***1**. Taýak bilen urmak. *Oglanlar derrew daşlap, taýaklap, ýylany öldürdiler* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Köteklemek, tankyt etmek, igenmek. *Her gün gelip, ýüz müň taýaklap ursaň, Urduň diýip, hiç wagt namys-ar etmen* (Seýdi).

**TAÝAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Taýaklamak ýagdaýy.

**TAÝAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Taýak bilen urmazlyk.

**TAÝAKLANMAK**, *işl.* **1**. Taýak bilen urulmak. **2**. *göç.m.* Tankyt edilmek, köteklenmek, käýelmek.

**TAÝAKLAŞMAK**, *işl.* Biri-biriňi taýaklamak, taýak bilen urmak. *Olar taýaklaşyp uruşdylar.*

**TAÝAKLATDYRMAK**, *işl., ser.* **Taýaklatmak**.

**TAÝAKLATMAK**, *işl.* Taýaklamaga mejbur etmek.

**TAÝAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Taýaklamak ýagdaýy.

**TAÝAKÝETIM**, *at, ser.* **Taýagatym**. *Hol, taýakýetim ýerde Päkizeler ýaşaýardy* (N. Jumaýew).

**TAÝBA-TAÝ** [ta:ýva-ta:ý], *syp.* Taýly, taý-taý edilen, taýdaş. *Gara saçyň örülmiş, ak ýüzünde taýba-taý, Hal goýulmyş al ýaňakda, däne-däne, jaýba-jaý* (Mollanepes).

**TAÝÇANAK**, *at.* Bir ýaşynyň içindäki taý. *Uzak bir oýlukda dynman, ýadaman, Oýnap bir taýçanak göge bökýärdi* (R. Seýidow). *Taýçanak ýatan ýerinden galjak bolup dyzardy, ýykylardy* (O. Ödäýew).

**TAÝDAN** [ta:ýdan], "Nukdaýnazardan, jähetden" diýen ýaly many aňladýan sözsoňy kömekçi.

**TAÝDAŞ** [ta:ýdaş], *syp.* Biri-birine taý gelýän, biri-birine mynasyp, barabar.

**TAÝDAŞLYK** [ta:ýdaşlyk], *at.* Taýdaş, mynasyp bolmaklyk, taýdaş gelmeklik.

**TAÝDYRMAK** [ta:ýdyrmak], *işl.* **1**. Buzuň, garyň, suwuň üstünde typdyrmak. **2**. *göç.m.* Wezipesinden boşatmak, işden çykarmak, kowmak.

**TAÝDYRYLMAK** [ta:ýdyrylmak], *işl.* **1**. Taýmak, taýyp gitmek. *Oglanjyk sürçek ýerde taýdyrylyp gitdi.* **2**. *göç.m.* Wezipesinden boşadylmak, işden çykarylmak, kowulmak.

**TAÝGA** [ta:ýğa], *syp., ser.* **Taýgançak**. *Bu gün ýer gaty taýga, ahmal bolmaň!*

**TAÝGAK** [ta:ýğak], *syp., ser.* **Taýgançak**. *Bu ýer taýgak.*

**TAÝGALYK** [ta:ýğalyk], *syp., ser.* **Taýgançaklyk**.*Taýgalyk ýerden ýöreseň, aýagyň typyp ýykylmagyň mümkin.*

**TAÝGANÇAK** [ta:ýğançak], *syp.* Aýagyňy taýdyrýan, typançak, sürçek, taýga, taýgak. *Gorkma, biziň gapymyz taýgançak däldir* (B. Kerbabaýew).

**TAÝGANÇAKLYK** [ta:ýğançaklyk], *at.* Typançaklyk, sürçeklik. *Taýgançaklyk böwrüňi diňledýärdi* (B. Kerbabaýew).

**TAÝHAR**,*at.* Iki ýaşynyň içindäki eşek. *Muhat aga mele taýharyna münüp, ýola düşdi* (B. Pürliýew).

**TAÝLAMA** [ta:ýlama], *iş ady.* Taýlamak ýagdaýy.

**TAÝLAMAK** [ta:ýlamak], *işl.* Ýüküň we ş.m. iki taýyny, tarapyny deňlemek, sazlamak. *Terezini taýlamak.*

**TAÝLAMAKLYK** [ta:ýlamaklyk], *iş ady.* Taýlamak ýagdaýy.

**TAÝLANMAK** [ta:ýlanmak], *işl.* Deňlenen ýagdaýda bolmak, deňlenmek, sazlanmak. *Bugdaýly çuwallar taýlanyp, düýelere ýüklendi. Tereziniň iki tarapy-da taýlandy.*

**TAÝLAŞDYRMAK** [ta:ýlaşdyrmak], *işl.* Hemmesini, baryny biri-birine taý edişdirmek. *Ol bugdaýly çuwallary taýlaşdyryp goýdy.*

**TAÝLAŞMAK** [ta:ýlaşmak], *işl.* Taýlamaga kömek etmek, sazlaşmak.

**TAÝLATMAK** [ta:ýlatmak], *işl.* Iki taýyny deň etdirmek, taý etdirmek.

**TAÝLAÝYN** [ta:ýlaýyn], *hal.* Iki taraplaýyn, taýy bilen. – *Ynha, Magtymguly aga, şu tamda – diýip, iki taýlaýyn açyk gapyny görkezenden soň, ol başga howla girenligini duýup galdy* (G. Kulyýew).

**TAÝLAÝYŞ** [ta:ýlaýyş], *iş ady.* Taýlamak ýagdaýy.

**TAÝLY** [ta:ýly], *syp.* **1**. Taýy bar bolan, iki tarapyna-da taý edilen. *Taýly çuwaly düýäniň üstüne at-da, idip ugra!* ("Myraly"). **2**. Yzly-yzyna, gezekme-gezek, iki gezek. *Taýly gezek ýaňagyndan ogşady* (A. Kekilow). **3**. Ýeke däl, iki, goşa. *Taýly çyragym söndi, Galdym weýran dünýäde* (Mätäji). *Ene taýly gözünden ýaş dökdi.*

**TAÝLYLYK** [ta:ýlylyk], *at.* Taýy barlyk, taýly bolmaklyk.

**TAÝMA** [ta:ýma], *iş ady.* Taýmak ýagdaýy.

**TAÝMAK** [ta:ýmak], *işl.* **1**. Typançak, taýgançak ýerde aýagyň ýer tutman typmak, typyp gitmek. *Aýagym taýyp ýykyldym, Ol söwer ýar üstüne* (Halk döredijiliginden). **2**. *göç.m.* Wezipeden boşadylmak, pyzylmak.

**TAÝMAKLYK** [ta:ýmaklyk], *iş ady.* Taýmak ýagdaýy.

**TAÝMAZLYK** [ta:ýmazlyk], *iş ady.* Taýyp gitmezlik; typmazlyk.

**TAÝMYL**,*at, deňizç.* Iki başy çüri bir orunly kiçijik gaýyk.

**TAÝMYLÇY**,*at.* Taýmyl sürüji, taýmyl sürýän adam.

**TAÝPA** [ta:ýpa], *at.* Garyndaşlyk gatnaşygy, umumy dili bolan, bir ýerde ýaşaýan adamlaryň uly birleşigi.

**TAÝPAÇYLYK** [ta:ýpaçylyk], *at.* Taýpa bolup ýaşamak düzgüni.

**TAÝPAR**, *at.* Ýaňy münüş öwredilen taý.

◊ **Taýpar çekmek** çekinmek. *Taýpar çekip, ýan bermer sen, Orazym* (Kemine).

**TAÝPARMA**, *iş ady.* Taýparmak ýagdaýy.

**TAÝPARMAK**, *işl.* Sakgal-murt, saç syrylyp, ýalpyldap durmak. *Onuň eňegi taýparyp durdy.*

**TAÝPARMAKLYK**, *iş ady.* Taýparmak ýagdaýy.

**TAÝPARTMAK**, *işl.* Sakgal-murtuňy syryp, ýüzüňi ýalpyldatmak. *Her gün irden turup, sakgal-*

*murtuny düýbi bilen gazap, taýpardyp goýýardy* ("Edebiýat we sungat").

**TAÝPARYŞ**,*iş ady.* Taýparmak ýagdaýy.

**TAÝPY**,*at.* Alçysy we towhasy sürlüp, ýylmanan aşyk. *Taýpy aşyk.*

◊ **Taýpy (aşygy) ýaly** ýylmanak, ýalpyldap duran. *Onuň syrylan eňegi taýpy ýalydy.*

**TAÝSYZ** [ta:ýsyz], *syp.* **1**. Taýy bolmadyk, jübüt däl, ýeke.*Taýsyz köwüş.* **2**. *göç.m.* Deňi-taýy bolmadyk, özüne taý geljek adam ýok.

**TAÝYN** [ta:ýyn], *syp., ser.* **Taýýar**. Biz ýola gitmäge taýyn.

◊**Taýyn aşyň eýesi bolmak** zähmetiň siňmedik zadyň eýesi bolmak.

**TAÝYNLAMA** [ta:ýynlama], *iş ady.* Taýynlamak ýagdaýy.

**TAÝYNLAMAK** [ta:ýynlamak], *işl., ser.* **Taýýarlamak 1-3**. *Ol günortanlyk üçin oduk-buduk taýynlady.*

**TAÝYNLAMAKLYK** [ta:ýynlamaklyk], *iş ady.* Taýynlamak ýagdaýy.

**TAÝYNLANMAK** [ta:ýynlanmak], *işl., ser.* **Taýýarlanmak 1**, **3**. *Olaryň her biri bu şöhratly senä öz sowgatlary bilen barmaga taýynlanýar.*

**TAÝYNLAŞDYRMAK** [ta:ýynlaşdyrmak], *işl., ser.* **Taýýarlaşdyrmak**.*Olar zatlary taýynlaşdyryp boldular.*

**TAÝYNLAŞMAK** [ta:ýynlaşmak], *işl., ser.* **Taýýarlaşmak**.

**TAÝYNLATMAK** [ta:ýynlatmak], *işl., ser.* **Taýýarlatmak**.

**TAÝYNLAÝYŞ**,*iş ady.* Taýynlamak ýagdaýy.

**TAÝYNLYK** [taýynlyk], *at, ser.* **Taýýarlyk**.

**TAÝYNLYKLY** [ta:ýynlykly], *syp.*, *ser.* **Taýýarlykly**.

**TAÝYNLYKSYZ** [ta:ýynlyksyz], *syp.*, *ser.* **Taýýarlyksyz**.

**TAÝYŞMAK** [ta:ýyşmak], *işl.* **1**. Bilelikde taýmak. *Olar buzuň üstünde taýyşyp ýör.* **2.** Taýmakda ýaryşmak. *Biz oglanlar bilen buzuň üstünde özara taýyşdyk.*

**TAÝÝAR** [taýýa:r], *hal.* Taýyn edilen, taýyn bolan, häzirlenen.

**TAÝÝARLAMA** [taýýa:rlama], *iş ady.* Taýýarlamak ýagdaýy.

**TAÝÝARLAMAK** [taýýa:rlamak], *işl.***1**. Bir zady taýýar edip goýmak, häzirlemek, taýynlamak. *Ol myhman üçin derrew iýmek-içmek taýýarlamak bilen boldy.* **2**. Bilim berip, terbiýeläp ýetişdirmek, ösdürmek. *Täze işgär taýýarlamak.*

**TAÝÝARLAMAKLYK** [taýýa:rlamaklyk], *iş ady.* Taýýarlamak ýagdaýy.

**TAÝÝARLANMAK** [taýýa:rlanmak], *işl.* **1**. Taýýar edilmek, taýynlap bolmak, taýyn edilmek. *Ol atlaryň ýola taýýarlanandygyny aýtdy.* **2**. Taýýarlyk görmek, taýynlamak. *Biz toýa taýýarlanýarys.* **3**. Taýýarlykly işgär, işçi ýetişdirilmek. *Ýaş hünärmenler taýýarlanylmak.*

**TAÝÝARLAŞDYRMAK** [taýýa:rlaşdyrmak], *işl.* Bir zady öňünden taýýarlap goýmak, häzirleşdirmek, taýynlaşdyryp goýmak.

**TAÝÝARLAŞMAK** [taýýa:rlaşmak], *işl.* **1**. Taýýarlamaga kömekleşmek. *Ol irgözinden öýe baryp, ejesine nahar taýýarlaşdy.* **2**. Bilelikde taýýarlamak, taýýarlamaga gatnaşmak. *Gelin-gyzlar, ýaş ýigitler aýak üstünde durup, toý saçagyny taýýarlaşyp ýördüler*.

**TAÝÝARLATDYRMAK** [taýýa:rlatdyrmak], *işl., ser.* **Taýýarlatmak**. *Ol bu mesele dogrusynda gazete makala hem taýýarlatdyrypdy.*

**TAÝÝARLATMAK** [taýýa:rlatmak], *işl.* Taýýarlamak işini başga birine etdirmek. *Nahar taýýarlatmak.*

**TAÝÝARLAÝJY** [taýýa:rlaýjy], *at.* Bir zady taýýarlaýan, taýýar edýän adam. *Jaýyň suwagy üçin palçyk taýýarlaýjylar ýadadylar.*

**TAÝÝARLAÝYŞ** [taýýa:rlaýyş], *iş ady.* Taýýarlamak ýagdaýy. *Olar häzir maşynlary ekişe taýýarlaýyş işini geçirýärler.*

**TAÝÝARLYK** [taýýa:rlyk], *at.* **1**. Bir işi amala aşyrmak üçin öňünden görülýän taýynlyk. **2**. Biriniň bilim alan döwründe öwrenen zatlary. *Onuň taýýarlygy oňat.*

**TAÝÝARLYKLY** [taýýa:rlykly], *syp.* **1**. Taýýarlyk görlen, taýynlykly. *Şanly toýa taýýarlykly geldik.* **2**. Taýýarlygy bar bolan, bilim baýlygy bolan. *Türkmenistanda taýýarlykly alymlaryň uly topary ösüp ýetişdi* ("Türkmenistan").

**TAÝÝARLYKLYLYK** [taýýa:rlyklylyk], *at.* Taýýarlygy barlyk, taýýarlykly bolmaklyk.

**TAÝÝARLYKSYZ** [taýýa:rlyksyz], *syp.* **1**. Taýýarlygy ýok, taýynlyk görülmedik, taýynlykly dällik. *Sapagy taýýarlyksyz nähili geçjek.* **2**. Taýýarlygy, bolmadyk, bilim derejesi pes.

**TAÝÝARLYKSYZLYK** [taýýa:rlyksyzlyk], *at.* Taýýarlygy ýokluk.

**TAÝZARDYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup taýzardyp durmak.

**TAÝZARMA**, *iş ady.* Taýzarmak ýagdaýy.

**TAÝZARMAK**, *işl.* Jaýtaryp, ýokary galyp durmak, dim-dik bolup çykyp durmak, somalyp durmak. *Onuň murtlary taýzaryp durdy.*

**TAÝZARMAKLYK**, *iş ady.* Taýzarmak ýagdaýy.

**TAÝZARTMAK**, *işl.* Bir zady taýzartmak katdyna ýetirmek, taýzaryp durar ýaly etmek. *Murtuňy taýzartmak.*

**TAÝZARYLMAK**, *işl.*, *ser*. **Taýzarmak**.

**TAÝZARYŞMAK**, *işl.* Birnäçesi taýzaryp durmak. *Onuň murtlary syh-syh bolup taýzaryşyp durdy.*

**TAÝZYGOÇ** [taýzyğoç], *at.* Ýüňi gytyk goç. *Taýzygoçlaryň birini tutmaly.*

**TAZY** [ta:zy], *at.* Uzyn aýakly, tumşugy uzyndan inçe aw iti. *Her ýurduň tilkisini öz tazysy bilen awlarlar* (Nakyl). *Çölde, gyrda gezse, tazy görmese, Tilki eteklener, şiri tanamaz* (Zelili).

◊ **Taza dönmek** gaty horlanyp, inçelip galmak.

**TAZYGUÝRUK** [ta:zyğuýruk], *at.* Halydyr keçä, gelin-gyzlaryň egin-eşigine salynýan gaňyrçak görnüşli nagyş.

**TAZYGYŞ** [ta:zyğyş], *iş ady.* Tazykmak ýagdaýy.

**TAZYGYŞMAK** [ta:zyğyşmak], *işl.* Birtopar goýun tazygyp gaçmak, gitmek. *Otlap ýören goýunlar bir zatdan ürküp tazygyşdylar.*

**TAZYKDYRMAK** [ta:zykdyrmak], *işl.* Tazykmaga mejbur etmek, tazykmagyna sebäp bolmak, ürküzip gaçyrmak. *Goýunlary tazykdyrmak.*

**TAZYKMA** [ta:zykma], *iş ady.* Tazykmak ýagdaýy. *Goýunlaryň tazykmasy çopanyň aladasyny köpeltdi.*

**TAZYKMAK** [ta:zykmak], *işl.* Ürküp gaçmak, ürküp baş bermän gitmek, ürküp gaçyp gitmek. *Aýlanmasak, goýunlar guzularyny yzyna tirkäp, haýsy-da bolsa bir tarapa tazygyp gidiberjekler* ("Türkmenistan").

**TAZYKMAKLYK** [ta:zykmaklyk], *iş ady.* Tazykmak ýagdaýy.

**TE** [te:], Türkmen milli elipbiýiniň "T" harpynyň ady.

**TEATR** [tea:tr / tiýa:tyr], *at.* **1**. Sahnada drama eserlerini görkezmek sungaty. **2**. Sahnalaşdyrylýan oýunlar, şowhunly aýdym-sazlar goýulýan we görkezilýän jaý. *Teatra gitmek. Teatrlary bina etmek.*

**TEBÄHET** [tevähet], *at.* Gylyk-häsiýet, boluş.

◊ **Tebähedi göçen (göterilen)** gylygy, bolşy düýbünden erbetlige tarap üýtgän; nebsine haý diýip bilmeýän (adam hakynda).

**TEBÄREK** [tevä:rek], *at.* Gurhanyň 67-nji süresiniň ady.

**TEBIGAT** [tevi:ğat], *at.* **1**. Älemde bar bolan organiki we organiki däl ähli zatlar. **2**. Şäherleriň, obalaryň we ş.m. daşyndaky, töweregindäki daglyk, tokaýlyk, baglyk, gözel ýerler, şäheriň daşy, açyk meýdan. *Saglyk ýolunyň özboluşly, täsin tebigaty bar.* **3**. Organiki, organiki däl dünýäni öwrenýän ylym we şol hakdaky okuw dersi. **4**. *göç.m.* Gylyk-häsiýet, asyl boluş. *Gyzlaryň tebigaty näzik bolýar* ("Myraly").

**TEBIGATÇY** [tevi:ğatçy], *at.* **1**. Tebigaty öwrenýän adam. **2**. Tebigat dersini okadýan mugallym.

**TEBIGY** [tevi:ğy], *syp.* **1**. Tebigata degişli, tebigata esaslanan. *Hazaryň tebigy baýlyklaryny ýerlikli peýdalanmaly.* **2**. Hakyky, hakyky özi, tüýs. *Ýokary hilli tebigy ýüpek almak üçin ýurdumyzda ýüpek gurçugynyň iň gowy tohumlary ösdürilip ýetişdirilýär.* **3**. Ösüşiň barşy bilen şertlenen, kadaly, adaty. *Tebigy ösüş ýoluna düşmek.*

**TEBIGYLYK** [tevi:ğylyk], Tebigy ýagdaýda bolmaklyk. *Onuň hereketlerinde tebigylyk bardy* (Watan).

**TEBIL** [tevil], *at, kön.s.* Deprek, laňňara. *Meýdanda uruş teblini kakdylar* ("Saýatly – Hemra"). *Ertir bilen ýöriş teblini urup, leşgeri rowana ederler* ("Zöhre – Tahyr").

◊ **Tebil tapmak** gorkmak, ürkmek, ynjalyksyzlanmak, gozgalaňa düşmek, aladalanmak. *Goýun maly örän ynjyk bolýar. Ol sähelçe bir zatdan-da tebil tapýar* ("Edebiýat we sungat").

**TEBIP** [tevi:p], *at.* Näsaga em edýän adam. *Bilmez tebip jan alar* (Nakyl).

**TEBIPÇILIK** [tevi:pçilik], *at, ser.* **Tebiplik**.*Çaý başynda gürrüň ilki tebipçilik hakynda gitdi.*

**TEBIPGÄR** [tevi:pgä:r], *at, k.d.* Tebipçilikden başy çykýan, tebipçilikden habary bolan, tebipçilik bilen meşgullanýan. *Ertir-agşam gerek bir adam huşýar, Aňylly, usully, özi tebipgär* (Talyby).

**TEBIPLIK** [tevi:plik], *at.* Tebibiň käri, ýagdaýy.

**TEBIPSUMAK** [tevi:psumok], *at.* Bolar-bolgusyz tebip, zor aýakdan tebip.

**TEBIT** [tevit], *at.* Oduň, ýalnyň, howanyň we ş.m. ýakymsyz gyzgyny, howry. *Tebit alýan yssy howa.*

◊ **Tebit ýaly** örän yssy. *Jaýyň içi tebit ýaly gyzypdyr.*

**TEBITLEME** [tevitleme], *iş ady.* Tebitlemek ýagdaýy.

**TEBITLEMEK** [tevitlemek], *işl.* Jazlap, ýagda daglamak, gyzgyn ýagda bişirmek. Y*smanagy tebitlemek.*

**TEBITLEMEKLIK** [tevitlemeklik], *iş ady.* Tebitlemek ýagdaýy.

**TEBITLENMEK** [tevitlenmek], *işl.* Jazlap ýaga daglanmak, ýagda daglanyp bişirilmek. *Ysmanak gaýnadylyp, tebitlenip goýuldy.*

**TEBITLEŞDIRMEK** [tevitleşdirmek], *işl.* Jazlap ýaga daglaşdyrmak, gyzan ýaga daglaşdyryp, taýýar edişdirip goýmak. *Dursun ysmanakdyr selmeleri tebitleşdirip, börek üçin taýýarlap goýdy.*

**TEBITLETMEK** [tevitletmek], *işl.* Tebitlemek işini birine etdirmek. *Ol gaýnadylan ysmanagy tebitletdi.*

**TEBITLEÝIŞ** [tevitleýiş], *iş ady.*Tebitlemek ýagdaýy.

**TEBLE** [tevle] **I**, *at.* Mallaryň irişmesiniň ýüpüniň ujuna berkidilýän halkalyja ujy çiş, demir gazyk. *Ol atyndan çalt düşüp, atyň teblesini ýere kakdy.*

**TEBLE** [tevle] **II**, *at, ser.* **Teblehana**. *Siz baryň Baýandyr hanyň teblesinden iki sany şabaz ýüwrük at getiriň* ("Kitaby dedem Gorkut").

**TEBLEBAZ** [tevleva:z] *at.* Attutar. *Garçgaly teblebazly han ýigit, Ahuw gözli, şasuwarym sen ýigit* ("Melike – Dilaram").

**TEBLEHANA** [tevleha:na], *at.* At daňylýan ýörite jaý, athana. *Ýaňky at tutan nöker baýyň atyny teblehana alyp gitdi.*

**TEBSIR** [tevsir], *at, k.d., ser.* **Tefsir**.

**TEBSIREME** [tevsireme], *iş ady.* Tebsiremek ýagdaýy.

**TEBSIREMEK** [tevsiremek], *işl.* **1**. Suwsuzlykdan, teşnelikden ýaňa agzyň kepemek, guramak, suwsamak, suw islemek. *Seýdi diýer, iki çeşmim gurydy, Suw tapmady, tebsiredi dodagym* (Seýdi). **2**. *göç.m.* Söýgi, isleg-arzuw duýgusy

güýjemek. *Meniň suwsuzlykdan ýaňa agzym tebsiredi.*

**TEBSIREMEKLIK** [tevsiremeklik], *iş ady.* Tebsiremek ýagdaýy.

**TEBSIREŞMEK** [tevsireşmek], *işl.* Birnäçe bolup, köpçulikleýin tebsiremek, suwsamak.

**TEBSIRETMEK** [tevsiretmek], *işl.* Suwsatmak.

**TEBSIREÝIŞ** [tevsireýiş], *iş ady.* Tebsiremek ýagdaýy.

**TEÇJAL** [teçja:l / tetja:l], *at.* Harteçjal.

**TEDBIR** [tetbi:r], *at, k.d.* Alaç, çäre. *Sabyr eýlemek bile bitmez bu işiň, Tedbirin edere ýokdur hiç kimiň* ("Şasenem – Garyp"). *Häzir siziň öýüňizge baryp, bu işleriň tedbirini kylmagymyz gerek* ("Kasym oglan").

**TEFSIR** [tefsi:r], *at.* Haýsydyr bir tekste (kanunlara, kadalaşdyryjy namalara, kitabyň içinde her hili wakalara, adam atlaryna we ş.m. ) beriilýän düşündirişler.

**TEG** [teğ], *üml.* Owlagy kowmak üçin ulanylýan söz.

**TEGBENT** [teğvent], *at.* Hala, kürtä, gyňaja we beýleki eşiklere salynýan pişme şekilli nagyş.

**TEGEK** [teğek], *at.* **1**. Daşyna sapak saralan tigir. **2**. Daşyna nämedir bir zat saramak üçin agaçdan ýa-da metaldan bolan enjam.

◊ **Tegek bolmak** iýilýän zat aňry geçmän, bogazda galmak.

**TEGELEK** [teğelek], *at.* **1**. Dürli ululykdaky halka görnüşli aýlaw. *Bir tegelekçörek. Tegelek aý.* **2**. Hemme nokatlary merkezden deň derejede uzaklaşan bitewi tőwerek. *Olar howlynyň daşynda uly tegelek gurupdyrlar.* **3**. *göç.m.* Tutuş, bütin. *Men senden tegelek on ýaş kiçidirin.*

◊ **Tegelegi ters aýlanmak** ähli ýere baryp çykmak.

**TEGELEME** [teğeleme], *iş ady.* Tegelemek ýagdaýy.

**TEGELEMEK** [teğelemek], *işl.* **1**. Tegelek görnüşine salmak, getirmek. *Ol demri tegeläp kesip, gazana gapak ýasady.* **2**. *göç.m.* Doldurmak. *Guýruklaryny mazaly tegelän baggoýunlar kölegede ýatyrdylar.* **3**. Tutuş, bitin etmek. *Bölüp-büçüp oturma-da, bahasyny ýüze tegeläý.*

**TEGELEMEKLIK** [teğelemeklik], *iş ady.*Tegelemek ýagdaýy.

**TEGELENIŞMEK** [teğelenişmek], *işl.* Köp bolup aýlaw gurap oturmak, tegelenip oturmak. *Adamlar bagşynyň daşynda tegelenişip oturdylar.*

**TEGELENMEK** [teğelenmek], *işl.* Tegelek bolmak, tegelek ýagdaýda bolmak. *Küştçüler soňabaka tegelenip oturan uly üýşmege öwrüldi.*

**TEGELETMEK** [teğeletmek], *işl.* Tegelemek işini başga birine etdirmek.

**TEGELEÝIŞ** [teğeleýiş], *iş ady.* Tegelemek ýagdaýy.

**TEGE-TEGE** [teğe-teğe], *üml.* Owlagy ýanyňa çagyranyňda aýdylýan söz.

**TEGIN** [teği:n], *at, kön.s.* Han maşgalalarynyň kiçi wekillerine berilýän dereje, at.

**TEGMIL** [teğmil], *at.* **1**. Bir zadyň degmeginden galýan yz, dürli reňkdäki menek. *Köýnekdäki tegmil.* **2**. Ýüze düşýän menek. **3**. *göç.m.* Yz, täsir.

**TEGMILLI** [teğmilli], *syp.* Tegmili bolan, tegmil bolup galan. *Ol indi geçmiş bolup galdy, özem tegmilli geçmiş* ("Garagum").

**TEH**, *at, k.d.* Bir zadyň düýbi, asty, aşagy (*ser.* **Teý**). *Tamy gaçyp inmiş ýeriň tehine* (Magtymguly).

**TEHNIKA** [te:hnika], *at.* **1**. Önümçilik gurallarynyň hem-de adam zähmetiniň ýokary öndürijiligini gazanmak üçin ulanylýan serişdeleriň, enjamlaryň jemi. **2**. Maşynlar, mehaniki gurallar, gurluşlar. *Tehnikany aýap saklamak.Oba hojalyk tehnikasy. Maşyn gurluşyk tehnikasy.*

**TEHNOLOGIÝA** [tehnolo:ğyýa], *at.* **1**. Materiallary gaýtadan işlemegiň usullaryny, önümleri ýasamagy, taýýarlamagy we şol işler bilen baglanyşykly bolup geçýän ýagdaýlary, ýüze çykýan hadysalary öwrenýän ylmy ugur. **2**. Şol ylmyň nazaryýet esaslaryny özünde jemleýän okuw dersi. **3**. *gepl.d.* Okuw dersiniň mazmuny beýan edilýän okuw kitaby. **4**. Islendik bir işde, senetçilikde, sungatda ulanylýan usullaryň jemi.

**TEJEGOR** [tejeğor], *at.* Jaýyň diwarynyň ýokarsynda kese boýuna öňe çykyp duran haşamly bölegi, täjigor.

**TEJRIBE** [tejiri:ve], *at.* Iş ýüzünde özleşdirilen tälim, synag, iş türgenligi, başarnygy. **2**. Barlap görmek maksady bilen her hili şertlerde geçirilýän çäre, synag. *Bu geçirilen tejribe örän şowly bolup çykdy.***3**. Ylmy ýol bilen alnan bilimleri iş ýüzünde peýdalanmaklyk, berkitmeklik.*Talyplar tejribe geçdiler.*

**TEJRIBEÇI** [tejiri:veçi], *at.***1**. Tejribe, synag geçirýän adam. *Tejribeçiler synag meýdanyna geldiler.***2**. Belli bir ugur boýunça işlemäge başlamak maksady bilen tejribe geçýän talyp; öz okaýan ugrundan öwrenýän ýaş hünärmen.

**TEJRIBELI** [tejiri:veli], *syp.* Tejribesi bar bolan, amaly iş usulyny, tärini oňat bilýän.

**TEJRIBELIK** [tejiri:velik], *syp.* Tejribe etmek, geçirmek üçin niýetlenen, tejribe eder ýaly. *Tejribelik enjam.*

**TEJRIBELILIK** [tejiri:velilik], *at.* Tejribe geçirmekde iş usulyny, tärini oňat bilijilik. *Işlerinde tejribelilik gerek.*

**TEJRIBESIZ** [tejiri:vesiz], *syp.* Tejribesi bolmadyk, amaly bilimsiz, iş usulyny, tärini bilmeýän; amaly bilimi ele alyp bilmedik. *Tejribesiz işgär.*

**TEJRIBESIZLIK** [tejiri:vesizlik], *at.* Tejribesi ýokluk. *Onuň tejribesizligini, ýaşlygyny nazara alyp, oňa kyn işleri tabşyrmakdan saklandyk.*

**TEK**, *at, gepl.d.* **1**. Bir desganyň, gurluşygyň daýanç hökmündäki esasy, düýbi, binýady. *Olar otly ýolunyň tekini tutmaga girişdiler.* **2**. gepl.d.Toplanan pul, gor. *Toý etmäge birneme tekiň barmy?*

**TEKE**, *at.* **1**. Geçiniň, keýigiň erkegi. **2**. Oglana dakylýan at.

**TEKELTGI**, *at.* Eýeriň aşagyndan salynýan ýüzi gaýyşdan, aşagy keçeden edilen ýona.

**TEKEPBIR** [tekepbir], *syp.* Özüni ulumsy tutýan, gopbam, hondanbärsi. *Tekepbir adam.*

**TEKEPBIRLIK** [tekepbi:rlik], *at.* Tekepbir häsiýetli bolmaklyk. *Bir bigaýrat ýigit ilde, Bakyň, tekepbirlik eýlär* (Magtymguly).

**TEKER,** *at, ser.* **Tigir 1**. *Maşynyň tekeri.*

**TEKGE**, *at.* Daýanç; birine berilýän kömek, goldaw.

◊ **Tekge bermek** söýget bermek, diräp goýmak.

**TEKIZ** [teki:z], *syp.* **1**. Ýüzi, üsti endigan, düz; belentli-pesli bolmadyk. *Tekiz meýdan.***2**. Tutuş, endigan örtülen, ýaýran. *Suw pese tekiz ýaýrady.*

**TEKIZLEME** [teki:zleme], *iş ady.* Tekizlemek ýagdaýy.

**TEKIZLEMEK** [teki:zlemek], *işl.* Tekiz etmek, endigan etmek, düzlemek. *Häzir hojalyklarda ýerleri dökünlemek, tekizlemek, çil çekmek işleri gyzgalaňly alnyp barylýar.*

**TEKIZLEMEKLIK** [teki:zlemeklik], *iş ady.* Tekizlemek ýagdaýy.

**TEKIZLEMEZLIK** [teki:zlemezlik], *iş ady.* Tekiz etmezlik, düzlemezlik.

**TEKIZLENMEK** [teki:zlenmek], *işl.* **1**. Tekiz edilmek, düzlenmek, endiganlanmak. *Beýikli-pesli ýerler tekizlendi.* **2**. Tekiz örtülmek, endigan ýaýylmak. *Gijara galyň bulut tekizlenip, asmanyň hemme ýerine ýazylyp gitdi.*

**TEKIZLEŞDIRMEK** [teki:zleşdirmek], *işl.* Tekiz edişdirmek, endiganlaşdyrmak, düzleşdirmek. *Ýerleri tekizleşdirip, soň süreris.*

**TEKIZLEŞMEK** [teki:zleşmek], *işl.* **1**. Köp bolup tekizlemek, düzlemäge kömek etmek. **2**. Ýuwaş-ýuwaşdan tekizlenmek, kem-kem tekizlenip gitmek, az-owlak tekiz bolmak. *Ýerlerimiz sürlüp, suwarylyp dura-bara tekizleşer.*

**TEKIZLETDIRMEK** [teki:zletdirmek], *işl.* Tekizletmek işini birine etdirmek. *Mugallym ýaryş geçiriljek meýdançany okuwçylara tekizletdirdi.*

**TEKIZLETMEK** [teki:zletmek], *işl.* Tekizlemek işini birine etdirmek, düzletmek, endiganlatmak. *Ol jaý salynjak ýeriň meýdanyny traktora tekizletdi.*

**TEKIZLEÝIŞ** [teki:zleýiş], *iş ady.* Tekizlemek ýagdaýy.

**TEKIZLÄBERMEK** [teki:zlä:vermek], *işl* Tekizläp ugramak.

**TEKIZLIK** [teki:zlik], *at.* **1**. Düzlük, endiganlyk derejesi. *Gör, ýeriň tekizliginiň peýdasyny: Gögeren pagtalaryň hemmesiniň boýy gyradeň!* **2**. Tekiz meýdan, düz ýer. *Şu depäniň aňyrsy giden tekizlikdir.*

**TEKJE**, *at.* **1**. Diwaryň ýüzünden oýulyp, gap-gaç, çyra, kitap we ş.m. goýmak üçin ýörite ýasalan ýer. *Baglarda, bakjalarda, Gül goýdum tekjelerde* (Halk döredljiliginden). **2**. Kitap, žurnal we ş.m. goýmak üçin, tagtadan ýasalan birnäçe orunly enjamyň bir gaty. *Kitaby tekjede goýdy.*

**TEKLIP** [tekli:p], *at.* Ara alnyp maslahatlaşylýan mesele, gürrüň boýunça girizilýän pikir.

**TEKRAR** [tekira:r], *at.* Gaýtalama, ýatlama. *Tä ölinçäm, ismiňi tilde tekrar eder men* (Dosmämmet).

**TEKRARLAMA** [tekira:rlama], *iş ady.* Tekrarlamak ýagdaýy.

**TEKRARLAMAK** [tekira:rlamak], *işl.* Bir zady, pikiri birnäçe gezek gaýtalap aýtmak. *Aýdan sözlerini ýene onuň özi tekrarlady.*

**TEKRARLAMAKLYK** [tekira:rlamaklyk], *iş ady.* Tekrarlamak ýagdaýy.

**TEKRARLANMAK** [tekira:rlanmak], *işl.* Gaýtalap-gaýtalap aýdylmak.

**TEKRARLATDYRMAK** [tekira:rlatdyrmak], *işl., ser.* **Tekrarlatmak**.

**TEKRARLATMAK** [tekira:rlatmak], *işl.* Aýdylan sözi, gepi, pikiri birnäçe gezek gaýtalatmak. *Mugallym okuwçynyň aýdyp duran pikirini ýene bir gezek oňa tekrarlatdy.*

**TEKST** [te:kist], *at.* Tutuşlygyna ýazgyny emele getirýän we tekstiň lingwistik dernewiniň obýekti bolup durýan yzygiderli belgiler ulgamy.

**TEK-TEK**, *at.* Arpagana meňzeş ot.

**TEKÝE**, *at, k.d.* Ýassyk. *Gelse, Arap zaňňar bir beýik sypanyň üstünde, ullakan güjümiň teýinde dokuz gat çymylgan taşlap, baş ujunda dokuz tekýe, aýak ujunda bäş tekýe taşlap, arkan düşüp, horlap ýatyr* ("Görogly").

**TEKÝEGÄH** [tekýeğä:h], *at, k.d.* Arkadaýanç, söýget. *Eý, patyşa, biçäreleriň tekýegähi sensiň? diýip, bir söz aýtdy* ("Zöhre – Tahyr").

**TEL I**, *at, şahyr.* Saçyň tarlary. *Elleri-ýä, elleri, Çekip barýar pelleri, Egnine dökülipdir Gulpagynyň telleri* (Hüwdi). *Hemra giriftardyr ýaryň özüne, Tel dökülmiş gerdenine, ýüzüne* ("Saýatly – Hemra"). *Başy karkaraly zülpi tellidir* (Talyby).

**TEL II**, *at, k.d.* Depe, baýyr. *Çykaryň toplary telge rowana* (Abdysetdar Kazy).

**TELBE** [telve], *syp.* Akylyndan azaşan, däli. *Telbeler dek özüm urdum her ýana* (Magtymguly).

**TELBELEMEK** [telvelemek] *işl.,gepl.d.* Telbe bolmak, akylyndan azaşmak, däliremek. *Hassa könlüm hyýalyndan daglara düşdi telbeläp* (Gaýyby).

**TELBELIK** [telvelik], *at.* Telbäniň ýagdaýy, akyldan azaşanlyk, dälilik. *Telbelikden bilmän ýagşy-ýamany, Diwana men, akyl-huşum ýok meniň* (Kätibi).

**TELEBÄSLEŞIK** [televä:sleşik], *at.* Telewizor gepleşikleri boýunça geçirilýän ýaryş, bäsleşik.

**TELEÇI**, *at.* Çapaga meňzeş kiçi balyk.

**TELEDESGA** [teledesğa:], *at.* Telewideniýe gepleşigi bilen baglanyşykly gerekli, ulanylmagy zerur bolan enjamlar toplumy.

**TELEGRAF** [teleğyra:f], *at.* Telegrammalary ibermek, kabul etmek we eýesine gowşurmak işini amala aşyrýan ýöriteleşdirilen aragatnaşyk kärhanasy.

**TELEGRAMMA** [teleğyra:mma], *at.* Telegraf boýunça iberilýän habar.

**TELEFAKS** [telefa:ks, *at.* **1.** Telefon aragatnaşygynyň üsti bilen ýazmaça maglumaty ugratmak we kabul etmek üçin çap ediji ýörite enjam. *Telefaksyň üsti bilen ugratmak.* **2.** Şol enjamyň üsti bilen ugradylýan ýa-da kabul edilýän ýazmaça habar, maglumat. *Telefaks almak.* **3.** Aragatnaşygyň şu

görnüşinden peýdalanmak üçin abonentiň ýörite san belgisi.

**TELEFON** [telefo:n], *at.* Aradaşlyga gepleşik sesini, habary eşitdirmek üçin ulanylýan tehniki gurluş, enjam, elektrik aragatnaşygynyň bir görnüşi, şeýle hem gepleşik enjamy.

**TELEK**, *syp.* Ýalňyş, nädogry. *Däliniň ýüz gepi telek, bir gepi gerek* (Nakyl).

**TELEKE**, *at.* Bir zat hakynda edilýän iş-alada. – *Ir günümi giç etmäýin, ulag telekesini edeýin – diýip, ör turdy* ("Edebiýat we sungat").

**TELEKEÇI**, *at.* **1**. Her bir zadyň aladasyny wagtynda edýän, her bir zady ýerbe-ýer edýän. *Ol maşgalasöýer we örän telekeçi adam bolupdyr.* **2**. Söwda-satykdan, täjirçilikden we ş.m. haýyr, peýda görmek üçin meşgullanýan, iş alyp barýan, önüm öndürýän adam. *Önüm öndürýänler we telekeçiler yzygiderli höweslendiriler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

◊ **Hususy telekeçi** döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýaşaýan ýeri boýunça kanunda bellenen tertipde bellige alnan, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahs.

**TELEKEÇILIK** *at.* Telekeçiniň kesp-käri (2-nji many boýunça).

**TELESKOP** [telesko:p], *at.* Asman jisimlerine gözegçilik etmek üçin astranomiýa abzaly. *Ýyldyzlara teleskop arkaly syn etmek mümkin.*

**TELETIN**, *at.* Oňat edip bejerilen gön, gaýyş. *Teletin bölegi.*

**TELEWIDENIÝE** [televi:deniýe], *at.* **1**. Her bir zadyň ýagtylyk şekilini elektrik signallaryna öwürmek ýoly bilen şekilleri ýakyn, uzak aralyklara ibermeklik. **2**. Telewizion enjamlaryň kömegi bilen işleýän habar beriş ulgamy. *Türkmen telewideniýesi.*

**TELEWIZION** [televiziýo:n], *syp.* Telewideniýä degişli, telewideniýe arkaly görkezilýän. *Telewizion gepleşikler.*

**TELEWIZOR** [televi:zir], *at.* Telewizion gepleşikleri alyp görkezmek, eşitdirmek üçin ekranly tehniki enjam.

**TELÄR** [telä:r], *at.* **1**. Öýüň işiginde, ekin meýdanynyň düşelge ýerlerinde kölegeläp oturmak üçin, dört burçundan agaç dikeldilip, üsti gamyş-hyşa bilen örtülen bassyrma. *Gowusy, sen şu teläre çykaý* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Ýüpek gurçuk tutmak üçin agaçdan galdyrylan beýik bolmadyk seki. *Gurçuklar teläre çykaryldy.*

**TELIM**, *çal.* Birnäçe, ençeme, köp. *Ondan bäri telim ýyl geçdi.*

**TELKERIŞ**, *iş ady.* Telkermek ýagdaýy.

**TELKERIŞMEK**, *işl.* Köp ýeri telkermek, salparyşmak.

**TELKERME**, *iş ady.* Telkermek ýagdaýy.

**TELKERMEK**, *işl.* Giňemek, salparmak, süýnmek, gyşarmak. *Onuň geýip ýören köýnegi eýýäm telkeripdir.*

**TELKERMEKLIK**, *iş ady.* Telkermek ýagdaýy.

**TELKERTMEK**, *işl.* Gyşartmak, salpartmak.

**TELKI**, *syp.* Gereginden artyk; giň, uly. *Köýnegiň ýakasynyň tikilişi telki.*

**TELLEMEK**, *işl., gepl.d.* Bölmek. *Seniň baýragyňy telläp goýduk* ("Edebiýat we sungat").

**TELLEMEKLIK**, *iş ady.* Tellemek ýagdaýy.

**TELLENMEK**, *işl.* **1**. Bölünip-bölünip goýulmak. *Et tellendi.* **2**. *göç.m.* Hereketlenmek, eýläk-beýläk gymyldamak. *Ýol ýöräňde iki goluň tellener* (Kemine).

**TELLEŞDIRMEK**, *işl.* Bölek-bölek edişdirmek, bölüşdirmek, telläp çykmak. *Gassap sygryň etini derrew sekiz bölege telleşdirip çykdy.*

**TELLEŞMEK**, *işl.* **1**. Tellemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde tellemek.

**TELLETMEK**, *işl.* Paýlatmak, böldürmek. *Eti telletmek.*

**TELLEÝIŞ**, *işady.* Tellemek ýagdaýy.

**TELLI-PELLI**, *hal.* Ýeter-ýetmez, ýykma-ýykylma, eýdip-beýdip. *Telli-pelli bilen mydar edip bolmaz.*

**TELPEK**, *at.* Her hili uzyn tüýli deriden, baganadan we ş.m. tikilip, kellä geýilýän gap. *Ak telpegiň deriden, Ýürek bagrym eriden* (Läleden).

◊ **Telpegi agan** öň bir gezek öýlenen, öýlenip dul galan. **Telpegini ters geýdirmek** almytyny bermek, emini bermek. **Telpegiňde dawam bar** ýersiz ýere, hiç bir sebäpsiz yrsaramak. **Telpegiňi göge zyňmak** gaty begenmek, şatlanmak, işiň oň bolmak. **Telpek goýmak** biriniň haýsydyr hereketine göwnüň ýetmek, edermenligine, her bir tarapdan başarnygyna haýran galmak.

**TELPEKÇI**, *at.* Telpek tikýän ussa.

**TELPEKLEMEK: telpek kakmak** iki metr çemesi belentlikde gazyga ildirilen telpegi ylgap gelip, aýak bilen kakyp gaçyrmak bilen baglanyşykly oýun. **Telpekläp oturmak** gol atyp başlamak, gol ýaýradýan ýagdaýynda bolmak (gawun pazyly hakynda). *Gawunlaryň telpekläp oturanlary hem, gol uzadanlary hem bardy* ("Edebiýat we sungat"). **Telpekläp ýagmak** tozgalap ýagmak (gar hakynda).

**TELPEKLIK**, *syp.* Telpek tikmek üçin gerek bolan (deri, bagana we ş.m. zatlar). *Telpeklik bagana.*

**TELPER**, *syp.* Çuň bolmadyk, ýalpak (gap-gaç hakynda). *Telper jam.*

**TELPERLIK**, *syp.* Ýalpaklyk, çuň dällik.

**TEL-TAGT** [tel-tağyt]: **tel-tagt bolmak** içi suwdan dolmak, suwa gark bolmak (suwarylýan ýer hakynda).

**TELWAS** [telwa:s], *at.* Isleg, höwes, arzuw, joşgun, hyýal, talwas. *Keşt edip gezer men ilden-illere, Däli köňlüm telwas eder güllere* (Kemine). *Köňül telwas eder, Watanym, seni* (Seýdi).

**TEMA** [te:ma], *at.* Ýöredilýän pikiriň, beýan etmäniň we döredijiligiň esasy mazmyny, bagyşlanýan zady, predmeti. *Hekaýanyň temasy. Gürrüňiň temasyny üýtgetmek.*

**TEMBR** [te:mbir], *at.* Sesiň häsiýetli öwüşgini (sesde we saz guralynda).

**TEMEK**, *at, gepl.d.* Burun.,

◊ **Temegiňi ýokary (dik asmana, göge) tutmak** ulumsylyk etmek, gözüň ýer görmezlik, gopbamsylyk etmek.

**TEMEN**, *at.* Galyň zatlar tikmek, syramak üçin uly gözli ýogyn iňňe. *Temeni haltada gizläp bolmaz* (Atalar sözi).

**TEMENÇE**, *at.* Bagjyk deregine ulanylýan bir ujy ýiti, beýleki ujy ilgençekli, kellelije iňňe, iňňebagjyk.

**TEMENLIK**, *at.* Boýy 20-60 *sm* ýetýän birýyllyk ot.

**TEMME**, *at, gepl.d.* Gapy, derweze we ş.m. açylmazlyk üçin öňünden, içinden direlip ýa sokulyp goýulýan agaç, kilt. *Toý-tomaşany sowup, kowdular hemmäni, urdular temmäni* ("Görogly").

◊ **Temme baglamak (basmak)** ýapdan akýan suwuň öňüni bogmak, beklemek.

**TEMMELEMEK**, *işl.* Gapa, derwezä temme urmak, temme sokup berk ýapmak.

**TEMMELI**, *syp.* Temme urlan, berkidilip ýapylan, temme bilen açylmaz ýaly edilen, kiltli. *Gapy içinden temmeli eken* ("Görogly").

**TEMMET**, *at, k.d.* Tamam, soňy. *Gel, eý, nazym, bu kyssa boldy temmet* (Abdysetdar Kazy).

**TEMMÄKI** [temmä:ki], *at.* **1**. Günebakaryňky ýaly uly we ýasy ýaprakly, şahalap ösýän ösümlik. *Temmäki ösüp ýetişse, onuň başynda güli bolýar.* **2**. Şol ösümligiň ownuk-ownuk kerçelip guradylan baldagyndan, ýapragyndan çekmek, ysgamak üçin taýýarlanýan önüm.

**TEMMI** [temmi:], *at.* Birine eden etmişi, günäsi üçin berilýän jeza, käýinç, görülýän çäre.

**TEN**, *at,anat.* Adamyň ýa haýwanyň endamynyň islendik ýeri. *Ten mülküniň içinde jan turdy perwaz eýläp* (Magtymguly).

◊ **Ten bermek** razy bolmak, uýmak, boýun bolmak. *Magtymguly aýdar sözlerim hakdyr, Emma ki hak söze ten beren ýokdur* (Magtymguly). **Ten bilmez bolmak** ten agyryny, urgyny duýmazlyk. *Ten bilmez bolaýypdyryn, köwşümiň aýagyma degenini-de bilmändirin.*

**TENDIRMEK** [tennirmek], *işl.* Çala bişirmek.

**TENE**, *at,gepl.d.* Adamyň, haýwanyň eti-gany.

**TENEÇIR I**, *at.* Uzyn bedenli, goşa ganatly, çalt uçýan, ýyldyrawuk möjejik.

**TENEÇIR II**, *at, zergärç.* **1**. Gulakhalka, ysyrga. *Gyzjagazyň gulagynda gyzyl teneçir ýaldyraýardy.* **2**. Gyzlaryň tahýanyň etegine dakyp, gulaklarynyň, dört örüm saçlarynyň üstünden goýberýän şelpeli şaýy.

**TENEKAR** [teneka:r], *at.* **1**. Metal zatlary sepläp tutdurmak, kebşirlemek üçin ulanylýan ak un ýaly himiki jisim. *Gulag-a beýlede dursun, tagsyr, burnunyň ornuna tenekar sepip, burun goýýarlar* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Dermanyň ornuny tutýan zatlar; derman, em. *Çorba adamyň jany üçin tenekardyr* ("Watan").

**TENELI**, *syp.* Eti-gany ýerinde, gurat, semiz.

**TENGIN** [teňgin], *at.* Gyzgyn, yssylyk zerarly tene, bedene örýän owunjak düwürtik, örgün. *Çaganyň alkymyna tengin örüpdir.*

**TENHA** [tenha:], *hal.* Ýalňyz, täk, ýeke, ýeke özi, bir özi. *Indi bolmady, Göroglynyň üstüne tenha özüm gideýin* ("Görogly").

**TENHALYK** [tenha:lyk], *at.* Ýalňyzlyk, täklik, ýekelik.

**TENME**, *iş ady.* Tenmek ýagdaýy.

**TENMEK**, *işl.* Gyzgyn, yssy zerarly teniň bişip, owunjak düwürtik örmek. *Onuň endamy doly tenipdi.*

**TENNIS** [te:nni:s], *at.* Ýörite meýdançada ýa-da stoluň üstünde kiçijik top we raketka bilen oýnalýan sport oýny.

**TENTEK**, *syp.* Akyly ýetmez, kelesaň, düşünjesi pes, akylyny aldyran. *Akmak özün akyl diýr, Tentek özün sag saýar* (Magtymguly).

**TENTEKLIK**, *at.* Tentek bolmaklyk, tentek häsiýetlilik. *Tenteklik edip okuwdan galma!*

**TENTIREKLEMEK**, *işl., gepl.d., ser.* **Entireklemek**. **1**. *Garry serhoş ýaly bolup, tentirekläp, öýüne ugrapdyr* (Halk ertekisinden).

**TEŇ**, *syp.* Agyr, kyn (hal, mydar, durmuş we ş.m. hakynda). *Sözlemesem, gaýta işim teň bolur* (Mätäji).

**TEŇLIK**, *at.* Haly teň bolmaklyk. *Halymyň bu teňligin, egsilmez dükança aýt* (Magtymguly).

**TEŇŇE I**, *at,* **1**. *kön.s.* Ownuk kümüş pul. *Ol işläp-işläp ahyry bäş ýüz teňňe gazanypdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). *Birniçe adam bar, ýygar teňňäni, Özüne taý görmän, gezer öňňäni* (Magtymguly). **2**. Milli manadyň ýüzden bir bölegine deň bolýan ownuk pul, köpük.

**TEŇŇE II**, *at.* Balygyň we ş.m. käbir jandarlaryň apbasy görnüşli beden örtügi, ýuka gabygy. *Ol balygyň teňňelerini pyçak bilen gyrdap arassalady.*

**TEŇŇEBALYK** [teňňeva:lyk], *at.* Balygyň bir görnüşi, kepir. *Ol suwdan bir teňňebalyk tutupdyr.*

**TEORETIK** [teýore:tik], *at.* Teoriýanyň meseleleri bilen meşgullanýan alym.

**TEORETIKI** [teýore:tiki], *syp.* Teoriýa esaslanýan, teoriýa degişli. *Teoretiki ylmy barlaglar.*

**TEORIÝA** [teýo:riýa], *at.* Praktiki tejribäni jemleýän we tebigatyň, jemgyýetiň, pikirlenişiň kanunalaýyklyklaryny şöhlelendirýän taglymat, ylmy ýörelgeleriň, ideýalaryň sistemasy (çylşyrymly ulgamy).

**TEPBET**, *at.*Howurly gurak semal, epgek.

◊ **Tepbedini okamak** ýok etmek, gümüni çekmek, öldürmek.

**TEPERRIK**, *at.* Köplenç, dini adamlaryň zadyndan ýetýän paý, bölek, dadymlyk. *Allan-allan etdigim, Alladan diledigim, Eýäm beren teperrik, Seni allaladygym* (Hüwdi).

**TER**, *syp.* Ýaş, täze, myssyk däl, täzeligini ýitirmedik, solmadyk, süllermedik (ösümlik, miwe we ş.m. hakynda). *Gün düşmedik ter öleňli, Çeşmeli çaýlar görüner* (Magtymguly). *Öpsem ki ýaňagyndan, Ter alma, enardyr diýip* (Mollanepes).

**TERBAŞ** [tervaş], *at, ösüml.d.* Togalak, iri ak üzümiň bir görnüşi.

**TERBIÝE** [terviýe], *at.* Maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetiň we ýaşaýşyň şahsy durmuşda döredýän gylyk-häsiýet endigi, görüm-görelde, edep-ekram.

**TERBIÝEÇI** [terviýeçi], *at.* **1**. Terbiýe, görüm-görelde berýän, terbiýeleýän adam. **2**. Mekdebe çenli çagalar edarasynda, çagalar bagynda, çagalara gözegçilik edýän, terbiýe berýän hünärmen.

**TERBIÝEÇILIK** [terviýeçilik], *at.* Gowy terbiýe, edep-ekram berijilik, terbiýeçiniň ýagdaýy, käri. *Ýurdumyzyň mekdeplerinde, çagalar bagynda, ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlaryň terbiýeçilik işlerine uly üns berilýär.*

**TERBIÝELEME** [terviýeleme], *iş ady.* Terbiýelemek ýagdaýy. *Bizde ýaşlary, ýetginjekleri terbiýeleme işine uly üns berilýär.*

**TERBIÝELEMEK** [terviýelemek], *işl.* Görüm-görelde edep-ekram öwretmek, terbiýe berip ösdürip ýetişdirmek.

**TERBIÝELEMEKLIK** [terviýelemeklik], *iş ady.* Terbiýelemek ýagdaýy. *Harby gulluga gelen ýaş esgerleri watançylyk ruhunda terbiýelemeklik.*

**TERBIÝELENMEK** [terviýelenmek], *işl.* Terbiýe berilmek, terbiýe, tälim berilmek.

**TERBIÝELEŞMEK** [terviýeleşmek], *işl.* Köp bolup terbiýelemek, terbiýelemäge gatnaşmak.

**TERBIÝELETMEK** [terviýeletmek], *işl.* Edep-ekram öwretdirmek, terbiýe berdirmek.

**TERBIÝELEÝIŞ** [terviýeleýiş], *iş ady.* Terbiýelemek ýagdaýy.

**TERBIÝELI** [terviýeli], *syp.* Gowy terbiýe alan, görüm-göreldeli, edep-ekramly, edepli.

**TERBIÝELILIK** [terviýelilik], *at.* Gowy terbiýe alanlyk, görüm-göreldelilik, edep-ekramlylyk, edeplilik. *Hemmelere terbiýelilik derkardyr.*

**TERBIÝESIZ** [terviýesiz], *syp.* Terbiýe almadyk, edep-ekramsyz, edepsiz.

**TERBIÝESIZLIK** [terviýesizlik], *at.* Terbiýesi ýokluk, görüm-göreldesizlik, edep-ekramsyzlyk, edepsizlik.

**TERÇEK**, *syp., kön.s., ser.* **Ter 1**. *Amydan suw içen terçek nahallar, Sen elwanlap galar bolduň, hoş imdi* (Seýdi).

**TERH**, *at, k.d.* Şekil, görnüş.*Bozular ne ziba senemler terhi* (Aşyky).

◊ **Terhi üýtgemek** (köplenç, ýüz hakynda) *gepl.d.* keselçilik ýa-da başga bir dartgynly ýagdaý sebäpli ýüzüniň şekili, görnüşi üýtgemek. *Oňa näme bolduka, ýüzüniň terhi üýtgäpdir?*

**TERE**, *at.* Dagyň derelerinde agaçlaryň arasynda ýaz wagty bitýän, uzyn-inçe ýaşyl ýaprakly, boýy 20-25 sm, baldagy ak gülli iýilýän ot. *Ol dagdan kän tere ýygyp getirdi.*

**TEREKE**, *at.* **1**. Miras bölünişigi, miras galan mal-mülk paýlanyşygy. *Bir baý ogly Äraly işany öz ölen atasynyň terekesini etdirmek üçin, öýüne çagyrýar* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden). **2**. *ser.* **Gez 2**.

**TEREKELEME**, *iş ady.* Terekelemek ýagdaýy.

**TEREKELEMEK**, *işl.* Miras galan emlägi tereke etmek, terekä salmak.

**TEREKELENMEK**, *işl.* Tereke edilmek, terekä salynmak. *Ölen bendäniň mal-mülki terekelendi.*

**TEREKELETMEK**, *işl.* Mirasy terekä saldyrmak, tereke etdirmek, mirasy böldürmek. *Ol kakasynyň mal-mülküni molla terekeletdi.*

**TEREKELEÝIŞ**, *iş ady.* Terekelemek ýagdaýy.

**TEREŇ**, *syp.* Çuň, çuňňur. *Bir tereň suw eken, salkynlaýyn diýip düşäýdim-dä* ("Görogly").

**TEREZI**, *at.* **1**. Agram ölçelýän, çekilýän gural, enjam. **2**. *asman j.* Mizan ýyldyzlar topary. *Terezi ýyldyzlary tomsuna günorta tarapda görünýär.*

**TEREZIBAN** [tereziva:n], *at, kön.s., ser.* **Tereziçi**. *Açylar işigi dowzah üstünde, Tereziban halyn bildi, ýaranlar* (Magtymguly).

**TEREZIÇI**, *at.***1**. Terezide önüm, zat çekýän adam. **2**. Bazarda terezini saklaýan we satyjylara terezi berýän adam.

**TERHOS** [terho:s], *at, k.d.* Towakga, haýyş. *Terhosym bar, nazar salsaň, Arzym bardyr, arzym alsaň!* (Magtymguly). *Atama terhos et mähriban enem, Gije-gündiz yşk odunda örtenem* ("Zöhre – Tahyr"). *Mätäji diýr başga bilen bolmanam, Ýüz ýalbarsa, terhosyny almanam* (Mätäji).

**TERJIME**, *at.* Bir dilden beýleki bir dile geçirilen söz, gürrüň, tekst, eser.

**TERJIMEÇI**, *at.* Bir dilden başga bir dile terjime etmek bilen meşgullanýan adam.

**TERJIMEÇILIK**, *at.* Terjime etmek hünäri, käri. *Terjimeçilik gyzykly hem jogapkärli iş.*

**TERJIMEHAL** [terjimeha:l] *at.* Adamyň öz durmuş, ýaşaýyş taryhynyň ýazgysy, beýany. *Sizi öz terjimehalym bilen tanyşdyrasym gelýär* ("Edebiýat we sungat").

**TERK: terk etmek (eýlemek)** ýüz döndermek, el çekmek, taşlamak. *Ölinçä terk etme haýry-yhsanyň* (Magtymguly). *Men niçik terk eýleýin Mahym güli-ruhsarymy* ("Zöhre – Tahyr").

**TERKIDÜNÝÄ** [terkidünýä:], *syp.* Dünýäniň aýşy-eşretinden ýüz öwren, göwni çökgün.

**TERKIDÜNÝÄLIK** [terkidünýä:lik], *at.* Terkidünýä bolmaklyk, terkidünýäniň ýagdaýy, bolşy.

**TERLENME**, *iş ady.* Terlenmek ýagdaýy.

**TERLENMEK**, *işl.* Ter däl zat ter bolmak. *Ol esgä dolanan käşir terlenipdir.*

**TERLIK**, *at.* Ter halynda bolmaklyk. *Terligini saklamak.*

**TERMIN** [te:rm:in], *at*, *ser*. **Adalga**.

**TERMINOLOGIÝA** [ternimoloğyýa], *at.* Ylmyň, tehnikanyň, sungatyň we ş.m. haýsydyr bir ugrunda ulanylýan adalgalaryň (terminleriň) jemi, adalgaşynaslyk.

**TERNAW** [terna:w], *at.* Ýagyn suwlary akar ýaly tamyň üstüniň gyrasynda goýulýan ýarym turba şekilli enjam. *Tamlaryň ternawlaryndan şyr-şyr edip suwlar akýardy* (A. Gowşudow).

**TERNE**, *at.* Heniz ulalyp, bişip ýetişmedik gawun.

**TERNELEME**, *iş ady.* Ternelemek ýagdaýy. *Terne düwüp başlamak.*

**TERNELEMEK**, *işl.* Terne görkezip başlamak. *Tomsuň başlarynda gawun terneläp başlapdy.*

**TERNELEMEKLIK**, *iş ady.* Ternelemek ýagdaýy.

**TERNELEÝIŞ**, *iş ady.* Ternelemek ýagdaýy.

**TERNE-TÜRNE** [terne-türnö], *at.* Ownuk-uşak bişmedik her hili terneler. *Myrat melleginden bir halta terne-türnäni öýe getiripdi.*

**TERRITORIÝA** [territo:riýa], *at.*Kesgitli serhetleri bolan ýeriň, içerki we kenarýaka suwlarynyň, şeýle-de, olaryň üstündäki howanyň emele getiýän giňişligi, tutýan meýdany (*ser.* **Çäk 1**). *Ýurduň territoriýasy. Şäheriň territoriýasy.*

**TERROR** [terro:r], *at.* Syýasy we synpy garşydaşlaryňa zorluk ulanmak arkaly olary ýok etmeklige baryp ýetýän göreşiň ýazgarylýan iň bir ýiti görnüşi. *Gazaply terror. Köpçülikleýin terror. Gyzyl terror.*

**TERRORÇY** [terro:rçy], *at.* Terror hereketiniň tarapdary we oňa gatnaşyjy adam.

**TERRORÇYLYK** [terro:rçylyk], *at.* Terrorçylaryň aýylganç işi, terrorçylaryň ýazgarylýan hereketi; terror syýasaty we onuň amala aşyrylyşy.

**TERS**, *syp.* **1**. Nädogry, ýalňyş. **2**. Oňaýly bolmadyk, şowsuz. *Ykbalyň ters oýny.* **3**. Bir zadyň arkasy, beýleki tarapy, çöwre ýüzi, tüzüw ýüzüniň garşylykly tarapy. *Ol eliniň tersi bilen ukuly gözlerini süpürdi.* **4**. Dostluk gatnaşygy bozulan ýagdaý. *Bularyň ikisi-de biri-biri bilen tersdi.*

◊ **Ters aýlanmak (öwrülmek)** barjak ýeriňi tapman, gaty köp ýere barmak. *Men şu gün mumyýa gözläp, obany ters aýlandym* ("Saglyk").

**TERSA** [tersa:], *at.* Özge dindäki, başga dine uýýan. *Ýüzüňi meňzetdim Aý bilen Güne, Bir tersa gyzydyr, hiç gelmez dine* ("Şasenem – Garyp").

**TERSIN** [tersi:n], *hal.* Oňyn däl, tersine.*Aýdanym oňa tersin täsir etdi.*

**TERSINE**, *hal.* **1**. Ters tarapa, ters ugra. *Ol akymyň tersine ýüzüp başlady.* **2**. Garşy, garşysyna. *Ol göwnündäkini tersine gürledi.***3**. Bir zat ýa-da biri bilen deňeşdireniňde gapma-garşy, üýtgeşik bolan, meňzeş bolmadyk. *Onuň häsiýeti bütinleý munuň tersinedi.*

◊ **Tersine tutmak** ters hereket etmek, ters gürlemek; oňlamazlyk, garşy bolmak. *Men bir zat diýsem, derrew tersine tutýarsyňyz.*

**TERSLEŞDIRMEK**, *işl.* Birnäçe adamy ýa iki adamy agzala etmek, olaryň arasyna çöp atmak, olary dawalaşdyrnak.

**TERSLEŞIK**, *at.* Terslik ýagdaýy, ara bozuklyk, dostluk, agzybirlik gatnaşygy ýokluk.

**TERSLEŞME**, *iş ady.* Tersleşmek ýagdaýy.

**TERSLEŞMEK**, *işl.* Biri bilen dostluk gatnaşygyňy, agzybirlik ýagdaýyňy bozmak.

**TERSLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Tersleşmek ýagdaýy.

**TERSLIK**, *at.* Dostluk, agzybirlik gatnaşygy ýokluk, arasy bozuklyk.

**TERSLIN-OŇLYN** [tersli:n-oňluýn], *hal.* Hem öňe, hem yza, aňryk-bärik, eýläk-beýläk. *Iki tarapa çarhy terslin-oňlyn aýlamak.*

**TERSMILLET**, *syp., gepl.d.* Höçjet, keçjal, gepe düşmezek, dikdüşdi adam. *Aý sen-ä, tersmillet ekeniň, aýdylan gepe düşmän, meni bizar etdiň.*

**TERSOKAN** [tersoka:n], *at, gepl.d.* Doga okap, jadygöýlik edýän adam, jadygöý.

**TERSOTUR**, *at, dil b.* Deňdeş agzalaryň, goşma sözlemleriň arasynda, sözlem agzalary bilen grammatik taýdan baglanyşmaýan ýüz tutma, giriş, ümlük ýaly sözleriň yzyndan ýa öňünden goýulýan dyngy belgi, otur. *Sözlemiň deňdeş agzalarynyň arasynda tersotur goýulýar* ("Mugallymlar gazeti").

**TERSTOW** [teristow], *at.* Ýüpüň, sapagyň birinji towunyň tersine, garşysyna işilen tow.

**TERTIP** [terti:p], *at.* **1**. Dogry kadalaşdyrylan, düzgünleşdirilen ýagdaý. **2**. Bir zadyň yzygiderliligi, birsydyrgynlygy. **3**. Kabul edilen içki düzgün, kada-kanun. *Ses bermek tertibi.* **4**. Edep-ekram, terbiýe.

◊ **Tertibe salmak** tertipleşdirmek, ýerbe-ýer etmek. **Tertip san** Tertip taýdan näçenjidigini görkezýän san (birinji, ikinji, we ş.m.).

**TERTIP-DÜZGÜN** [terti:p-düzğün], *at.* **1**. Dogry ýola goýlan, kadalaşan ýagdaý. *Tertip-düzgün bar ýerinde üstünlik bar.* **2**. Düzgün-nyzam, terbiýe, edep-ekram.

**TERTIPLEME** [terti:pleme], *iş ady.* Tertiplemek ýagdaýy.

**TERTIPLEMEK** [terti:plemek], *işl.* Tertibe salmak, ýerbe-ýer goýmak, jaýba-jaý etmek. *Ol köýneginiň ýakalaryny tertipledi.*

**TERTIPLEMEKLIK**, *iş ady.* Tertiplemek işi.

**TERTIPLEŞDIRMEK** [terti:pleşdirmek], *işl.* Tertibe salyp çykmak, ýerbe-ýer goýuşdyrmak, jaýba-jaý edişdirmek. *Kitaplary tertipleşdirmek.*

**TERTIPLEŞMEK** [terti:pleşmek], *işl.* **1**. Bir zady tertibe, düzgüne salyşmak, ýerbe-ýer goýuşmak. **2**. Tertip-düzgüni gowulaşmak, oňatlaşmak, kadalaşmak, düzgünleşmek. *Çagalar has-da tertipleşipdir.*

**TERTIPLEÝIŞ**, *iş ady.* Tertiplemek ýagdaýy.

**TERTIPLI** [terti:pli], *syp.* **1**. Dogry düzgünleşen, jaýba-jaý, ýerbe-ýer edilen, düzgüne salnan. *Ol kitaplary tertipli ýerleşdirip goýupdyr.* **2**. Özüni tertip-düzgünli, edepli alyp barýan. *Mugallym okuwçylardan tertipli oturmagy talap etdi.* **3**. Düzgün-nyzamly; edepli. *Okuwçylar köçe bilen tertipli ýöräp barýardylar.*

**TERTIPLILIK** [terti:plilik] *at.* Tertibi barlyk, tertipsiz dällik, tertipli bolmaklyk. *Ol jaýlaryň arassalygyna, öý goşlarynyň tertipliligine seredip çykdy.*

**TERTIPNAMA** [terti:pna:ma], *işl.* Döwlet tarapyndan, jemgyýetçilik birleşigi ýa-da başga bir ýuridik şahs tarapyndan bellenen düzgünleriň toplumy, düzgünnama, esasnama.

**TERTIP-NYZAM** [terti:p-nyza:m] *at, ser.* **Tertip-düzgün**.

**TERTIPSIZ** [terti:psiz], *syp.***1**. Tertipli däl, jaýba-jaý, ýerbe-ýer edilmedik, düzgüne salynmadyk.

*Tertipsiz goýuşdyrmak.* **2**. Özüni bitertip alyp barýan, edepsiz. *Çagalar bagynda özüni tertipsiz alyp barýan çaga ýok.*

**TERTIPSIZLIK** [terti:psizlik] *at.* Tertibi ýokluk, tertipli dällik, tertipsiz bolmaklyk.

**TERZ**, *at.* Boluş, ýagdaý. *Bu sözi eşidip, Öwez han ol aýalyň terzine garady, görse ýamanlyk çykjak däl* ("Görogly").

**TES**, *üml.* Düýe saglanda aýagyny yza çekdirmek üçin aýdylýan söz.

**TESBI** [tesvi], *at.* Musulmanlaryň gaýtalap sanaýan dogalarynyň hasaby ýöredilýän bir düzüm monjuk.

**TESDIRILMEK** [tessirilmek], *işl.* Yza çekdirilmek, gaýra goýulmak.

**TESDIRME** [tessirme], *iş ady.* Tesdirmek ýagdaýy.

**TESDIRMEK** [tessirmek], *işl.* **1**. Yza gaýtarmak, yza çekiler ýaly etmek. *Ol atyny yzyna tesdirip, atlylaryň ýanyna baryp durdy.* **2**. Gaýra goýulmak, gijä galdyrmak. *Işi gaýra tesdirmek.*

**TESDIRMEKLIK** [tessirmeklik], *iş ady.* Tesdirmek ýagdaýy.

**TESELLI**, *at.* Ynjalyk, rahatlyk, aram-karar. *Teselli tapmak.*

◊ **Teselli bermek** göwünlik bermek, göwnüni götermek, rahatlandyrmak, köşeşdirmek. *Ýöne başga bir zat oňa teselli berdi* ("Edebiýat we sungat").

**TESLIM** [tesli:m]: **teslim bolmak** boýun bolmak, tabyn bolmak. **Teslim kylmak** tabşyrmak, bermek. *Leýli jan be hak teslim kyldy* ("Leýli – Mejnun").

**TESME**, *iş ady.* Tesmek ýagdaýy.

**TESMEK**, *işl.* **1**. Yza hereket etmek, yza çekilmek, yza gaýtmak. *Bir ädim yza tesmek.* **2**. Gaýra goýmak, yza çekmek. *Köňlüň şikes bolup, raýyň öwrülse, Yşkyň gaýra teser, içde dert galar* (Zelili).

**TESMEKLIK**, *iş ady.* Tesmek ýagdaýy. *Indi yza tesmeklik namartlyk bolar.*

**TES-TEGELEK** [tes-seğelek], *syp.* Örän tegelek, has tegelek. *Tes-tegelek degirmen, Ortasynyň daşy bar, Ony bilen ýigidiň, Ýüz ýigrimi ýaşy bar* (Matal. Jogaby: asman, Aý, Gün, ýyldyzlar).

**TESWIR** [teswüýr], *at.* Söz bilen keşbini, suratyny çekme.

◊ **Teswir etmek** *ser.* **Teswirlemek**. *Halk ertekilerinde adamyň güýjüne ynanmak duýgusy teswir edilýär.*

**TESWIRÇI** [teswüýrçü], *at.* Söz bilen keşbini çekýän, suratlandyrýan adam.

**TESWIRLEME** [teswüýrlömö], *iş ady.* Teswirlemek ýagdaýy.

**TESWIRLEMEK** [teswüýrlömök], *işl.* Söz bilen keşbini, suratyny çekmek, teswir etmek.

**TESWIRLENMEK** [teswüýrlönmök], *işl.* Teswir edilmek. *Gözel paýtagtymyzyň waspy köp şahyrlar tarapyndan örän çeperçilik bilen teswirlenýär.*

**TESWIRLETMEK** [teswüýrlötmök], *işl.* Teswirlemek işini başga birine etdirmek.

**TESWIRLEÝIŞ** [teswüýrlöýüş], *iş ady.* Teswirlemek ýagdaýy. *Onuň bolan wakany dilden teswirleýşi oturanlara ýarady.*

**TEŞE**, *at.* Agaç ýonmak üçin ulanylýan egmek kese agyzly iş guraly, ýonguç. *Ol teşesini aldy-da, agaç ýonmaga başlady.*

**TEŞELEME**, *iş ady.* Teşelemek ýagdaýy.

**TEŞELEMEK**, *işl.* Agajy teşe bilen ýonmak. *Ol pil sapyny teşeläp timarlady. Dutaryň kädisini teşelemek.*

**TEŞELEMEKLIK**, *iş ady.* Teşelemek ýagdaýy.

**TEŞELENMEK**, *işl.* Teşe bilen çapylmak, teşe bilen ýonulmak. *Ol tagta ilki teşelenipdir, soňra sürgüç bilen ýylmanypdyr.*

**TEŞELETMEK**, *işl.* Teşe bilen ýondurmak, bejertmek. *Ol pil sapyny teşeletdi.*

**TEŞELEÝIŞ**, *iş ady.* Teşelemek ýagdaýy.

**TEŞNAW** [teşna:w], *at, kön.s.* Jaýyň bir burçunda el-ýüz ýuwmak, üçin edilýän çukurjyk. *Öwez jan teşnawdan başga yzgar ýere basman oturan oglan, aýaklary monjuk-monjuk, hal-hal gabardy* ("Görogly").

**TEŞNE**, *syp.* **1**. Suw içesi gelýän, suwsan, tebsirän. **2**. *göç.m.* Islegi, höwesi bolan, muşdak, maýyl, bir zadyň ýesiri. *Meniň teşne gözlerim olaryň arasyndan ezizimi tapmaga howlukdy.*

**TEŞNEK**, *at.* Gawun-garpyzyň güllüje düwünçegi.

**TEŞNEKLEMEK**, *işl.* Ösmegini bes edip mürrelmek. *Gawun ternejigine el degirseň, yzyna gaýdýanyny, teşnekleýänini eşidipdi.*

**TEŞNELEMEK**, *işl., şahyr.* Suw içesiň gelmek, suwsamak. *Teşneläp çölde ýatmaýan, Suwuň gadyryn näbilsin!* ("Görogly").

**TEŞNELIK**, *at.* Suw içesiň gelmeklik, suwsuzlyk.

**TEŞWÜŞ**, *at, k.d.* Alada, ünji, gaýgy-gam. *Meniň jigim amaşa, Atyny baglar daşa, Özi gitse söweşe, Bizi goýar teşwüşe* (Hüwdi).

**TEŞWÜŞLI** [teşwüşlü], *syp.* Aladaly, ünjüli.

**TETELLI**, *syp.* Meňzeş, ýaly, kimin, zeýilli (öz halamaýan adamyň babatynda ulanylýar). *Siz tetellilerden irdim.*

**TETÄRIK** [tetä:rik], *at.* Gün-güzeran üçin goldaw, kömek bolar ýaly zat. *Garran wagtyňda tetärik bolar ýaly, ýaşlygyňda köpräk gazanmak gerek.*

**TETI**, *at, gepl.d.* Hiç zat oňarmaýan, elinden iş gelmeýän, sana goşulmaýan.

◊ **Teti gyz** elinden hiç zat gelmeýän, emelsiz gyz.

**TEÝ I**, *at.* **1**. Bir zadyň düýbi, asty. *Ýer teýinde ýatan Mäti, şol öküziň gaşyndadyr* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Jümmüş, düýp, iç. *Ol öz ýüreginiň teýinde oňa bolan söýgüsini gizlin saklaýardy.*

**TEÝ II**, *hal.* Hiç, düýbünden, asla, asyl. *Şol waka teý ýadymdan çykmaz.*

**TEÝ-AHYR** [teý-a:hyr], *hal.* Ahyrsoňy, iň soňunda. *Olar teý-ahyr ýola düşdüler.*

**TEÝENE**, *at.* Bir zat üçin birine bildirilýän igenç, aýdylýan igençli söz.

**TEÝENELI**, *syp.* Igençli, närazyçylykly, sözünde, gürrüňinde teýene duýulýan. *Ol kakasynyň sözlerinden teýeneli äheňi duýdy.*

**TEÝIM: teýim etmek 1**) köplenç, eliňi topraga urup täret gylmak. *Adam görse sopy men diýp öterler, Täreti teýimdir, hasasy keçsiz* (Magtymguly). **2**) ýitirim etmek, ýok etmek.

**TEÝLI**, *syp.* Iýeniňde doýurýan, güýçli, bereketli.

**TEZ**, *syp.* Adama öwrenişmedik, eldeki bolmadyk, sarç, bet. *Tez mal.*

**TEZDIRMEK** [tezzirmek], *işl.* Gaçyrmak, ürküzmek. *Goýny ozalky tezdirenimiz hem az däl.*

**TEZEK**, *at.* Haýwanlaryň nejasaty (at, eşek, düýe we ş.m. hakynda). *At tezegi. Eşek tezegi. Tezek çöplemek.*

◊ **At tezegini guratmazlyk** biriniň öýüne ýa başga bir ýere çalt-çaltdan baryp durmak.

**TEZEKLEME**, *iş ady.* Tezeklemek ýagdaýy.

**TEZEKLEMEK**, *işl.* Nejasady daşyna çykarmak, içini nejasatdan boşatmak (at, eşek, düýe we ş.m. hakynda).

**TEZGEK** [tezğek], *syp., ser.* **Tez**.

**TEZGEKLIK** [tezğeklik], *at, ser.* **Tezlik**.

**TEZKIRE**, *at, kön.s.* Bir ugruň alymlary, şahyrlary hakynda gysga maglumatlary özünde jemleýän ýygyndy, diwan.

**TEZLIK**, *at.* Tez bolmaklyk, sarç bolmaklyk, sarçlyk. *Keýik tezlik etmedi.*

**TEZME**, *iş ady.* Tezmek ýagdaýy.

**TEZMEK**, *işl.* Ürküp gaçmak, ürkmek.

**TEZMEKLIK**, *iş ady.* Tezmek ýagdaýy. *Tüwäniň tezmekligine men sebäpkär boldum.*

**TÄ** [tä:], *sözs. k. Çenli, deňiç* sözsoňy kömekçileriniň hyzmatynda ulanylýar. *Tä Tejene barýançam seni ýatladym.*

**TÄBET** [tä:vet], *at, kön.s.* Iýmäge höwes, işdä. *"Bu şaltagym, kirim bilen suw bersem, täbeti almaz" diýip göwnüme geldi* ("Görogly").

**TÄÇ** [tä:ç], *at.* **1**. Adamyň teninde gan öýen ýaly bolup döreýän gyzgylt, goňur reňkli hal. *Nartäjiň ak ýüzüniň gyzaryp duran ýaňaklarynyň sagynda täç bardy* (A. Gowşudow). **2**. Häkimlik nyşany hökmünde şanyň, häkimiň başyna geýýän bezegli başgaby. **3**. Adam ady.

**TÄJIHORAZ** [tä:jihoroz] **I**. *at.* Güli horazyň kekejine meňzeş dik ösýän gyzyl reňkli ösümlik.

**TÄJIHORAZ** [tä:jihoroz] **II**, *at.* Köplenç, çagalaryň bogazynda ak bardalar emele gelip ýüze çykýan ýokanç kesel.

**TÄJIK** [tä:jik], *at, ser.* **Täjikler**. *Täjik edebiýaty. Täjik dili.*

**TÄJIKLER** [tä:jikler], *at.* Täjigistanyň ýerli halky, esasy ilaty.

**TÄJIR** [tä:jir], *at.* Uly söwdagär, hususy söwda kärhanasynyň eýesi.

**TÄJIRLIK** [tä:jirlik], *at.* Täjiriň kesp-käri, tajiriň ýagdaýy.

**TÄK** [tä:k], *syp.***1**. Goşa däl, ýeke, jübüt bolmadyk. **2**. Diňe bir, ýeke, ýalňyz. **3**. Taýsyz, deňsiz-taýsyz.

**TÄKLIK** [tä:klik], *at.* **1**. Goşa ýa jübüt dällik. **2**. Ýalňyzlyk, ýekelik. **3**. Taýsyzlyk, deňsiz-taýsyzlyk.

**TÄKMEKLI** [tä:kmekli], *syp.* Özüni birsydyrgyn, bir kadada alyp barman, üýtgäp duran, agyp-dönüp duran (adam häsiýeti hakynda). – *Bu baryp ýatan täkmekli adam* (A.Gowşudow).

**TÄLEÝ** [tä:leý], *at.* **1**. Ykbal, kysmat, ýazgyt. *Jeren jan, meniň çagam bolsa, onuň täleýi niçik bolarka ..?* (G.Seýitliýew, G.Muhtarow). **2**. Öňde, durmuşda görjegiň, gelejek.

◊ **Täleýiň açylmak** bagtyň gelmek, bagtly bolmak. – *Eý patyşam, bir ahwal gördüm, täleýiň açyldy – diýip, bir gazal aýtdy* (Mollanepes). **Täleýi ters gelmek** bagty gara bolmak, ykbalyň ters bolmak. *Täleýiň ters gelse, bagtyň şor bolsa, Paludanyň peri dişi syndyrar* (Magtymguly).

**TÄLIM** [tä:lim], *at.* Bir käriň, hünäriň we ş.m. syrlaryny ele almak ugrundaky okuw, terbiýe, görelde. *Ussat bagşydan tälim almak.*

◊ **Tälim bermek** öwretmek, okatmak, terbiýe bermek. *Esgerlere harby taýdan tälim berilýär.*

**TÄLKEW** [tä:lköw], *at, gepl.d.* Dahyl, degişlilik, degişli ýer. *Heý, şu zatlaň saňa tälkewi barmy?*

**TÄLKEWLI** [tä:lköwlü], *at, gepl.d.* Birine dahylly, degişli. *Sen tälkewlidigini bilen bolsam, piliňi ellemezdim.*

**TÄMIZ** [tä:mi:z], *syp., ser.* **Arassa 1**, **2**.

**TÄMIZLEME** [tä:mi:zleme], *iş ady.* Tämizlemek ýagdaýy.

**TÄMIZLEMEK** [tä:mi:zlemek], *işl., ser.* **Arassalamak 1**, **2**.

**TÄMIZLEMEKLIK** [tä:mi:zlemeklik], *iş ady.* Tämizlemek ýagdaýy.

**TÄMIZLENMEK** [tä:mi:zlenmek], *işl., ser.* **Arassalanmak**.

**TÄMIZLEŞMEK** [tä:mi:zleşmek], *işl.* Dura-bara tämiz bolmak. *Obamyz öňküden has tämizleşdi.*

**TÄMIZLETDIRMEK** [tä:mi:zletdirmek], *işl., ser.* **Arassalatdyrmak**.

**TÄMIZLETMEK** [tä:mi:zlemek], *işl., ser.* **Arassalatmak**.

**TÄMIZLEÝIŞ** [tä:mi:zleýiş], *iş ady.* Tämizlemek ýagdaýy.

**TÄMIZLIK** [tä:mi:zlik], *at, ser.* **Arassalyk**.

**TÄNDERDI** [tä:nnerdi], *at.* Aşyklaryň birini ikinjisi bilen urup, jikgesine ýa-da tükgesine agdaryp almak şerti bilen oýnalýan oýun. *Ol tänderdi oýnunda utuldy.*

**TÄNDERILMEK** [tä:nnerilmek], *işl.* **1**. Bir tarapyndan beýleki tarapyna öwrülen bolmak. **2**. Baldagyndan ýolnup aýrylmak.

**TÄNDERIŞ** [tä:nneriş], *iş ady.* Tändermek ýagdaýy.

**TÄNDERME** [tä:nnerme] *iş ady.* Tändermek ýagdaýy.

**TÄNDERMEK** [tä:nnermek], *işl.* **1**. Bir aşygy ikinji bir aşyk bilen urup, jikgesine ýa-da tükgesine

agdaryp almak. *Ol kenegini atyp, aňyrda duran aşygy dükge tarapyna tänderdi.* **2**. Sapagyndan ýazdyrmak, baldagyndan aýyrmak. *Güýz şemaly agaçlaryň sary ýapraklaryny sapagyndan tänderýärdi.*

**TÄNDERMEKLIK** [tä:nnermeklik], *iş ady.* Tändermek ýagdaýy.

**TÄNDIRMEK** [tä:nnirmek], *işl., ser.* **Tändermek**.

**TÄNIŞ** [tä:niş], *iş ady.* Tänmek ýagdaýy.

**TÄNME** [tä:nme], *iş ady.* Tänmek ýagdaýy.

**TÄNMEK** [tä:nmek], *işl.* **1**. Urlan aşyk bir ýüzünden beýleki bir ýüzüne öwrülmek. **2**. Sapagyndan ýazmak, baldagyndan üzülmek, üzülip gaçmak. *Bişen gawun sapagyndan tänipdir*.

**TÄNMEKLIK** [tä:nmeklik], *iş ady.* Tänmek ýagdaýy.

**TÄP-TÄZE** [täp-tä:ze], *syp.* Örän täze. *Täp-täze köýnek.*

**TÄR** [tä:r], *at.* Bir işi amala aşyrmak, berjaý etmek üçin ýol, usul, ugur, çäre. *Men onuň tärini derrew taparyn.*

**TÄRET** [tä:ret], *at.* **1**. Namaza durmazdan öň arassalanmaklyk. **2**. *gepl.d.* Ýogyn içege arkaly çykýan nejasat.

◊ **Täret gylmak** namaza durmazdan öň arassalanmak düzgünini berjaý etmek.

**TÄRIM** [tä:rim], *at.* Gara öýüň daýanç merkezi, diwary bolup hyzmat edýän hem-de uklaryň aşaky ujy berkidilýän gözenek agaç enjam. *Öýleriň ikisiniň-de uklary gowşap, tärimleriniň köki gidipdir* ("Edebiýat we sungat").

**TÄRIMÝÜP** [tä:rimýüp], *at.* Tärim gurnalanda daşyna saralýan ýüp.

**TÄSELIM** [tä:selim], *ser.* **Täterim**.

**TÄSIN** [tä:si:n], *syp.* Örän geň, üýtgeşik, enaýy.

**TÄSINLIK** [tä:si:nlik], *at.* Örän geňlik, örän üýtgeşiklik, enaýylyk. *Ol soňra kellesini birhili täsinlik bilen silkip goýberdi* ("Edebiýat we sungat").

**TÄSIP** [tä:si:p], *at, k.d.* Gaýrat, ar-namys.

**TÄSIPLI** [tä:si:pli], *syp., k.d.* Gaýratly, ar-namysly. *Bir täsipli goç ýigit, Är ýanynda bellidir* (Zelili).

**TÄSIR** [tä:si:r], *at.* **1**. Bir zady amala aşyrmak, birini ynandyrmak üçin birine ýa-da bir zada gönükdirilen hereket. *Adama ruhy taýdan edilýän täsir.* **2**. Içilen gök çaýyň, atylan dermanyň we ş.m. netijesi, haýry, peýdasy. *Dermenyň täsiri ýetdi*.

**TÄSIRLI** [tä:si:rli], *syp.* **1**. Täsir edýän, sözi geçýän, abraýly. **2**. Güýçli täsir galdyrýan.

**TÄSIRLILIK** [tä:si:rlilik], *at.* Täsiri barlyk, täsirli bolmaklyk.

**TÄSIRSIZ** [tä:si:rsiz], *syp.* Täsir edip bilmeýän, täsir galdyrmaýan, täsiri ýok.

**TÄSIRSIZLIK** [tä:si:rsizlik], *at.* Täsiri ýokluk, täsir edip bilmezlik, täsirsiz bolmaklyk.

**TÄTERIM** [tä:teri:m]: **täterime git** nirä gitseň, şoňa git, güm bol!

**TÄZE** [tä:ze], *syp.* **1**. Ilkinji gezek ýüze çykan, peýda bolan. **2**. Heniz geýilmedik, heniz ulanylmadyk. *Täze geýim.* **3**. Ýaňy-ýakynda bolan, häzirki wagtda peýda bolan. *Yşk bilen açylan bir täze gül sen* (Magtymguly). *Täze ýylyň nowruzy, pasly bahary dilber* (Mätäji). **4**. Ýaňy gelen, ýaňy bellenen, iň soňky. *Täze müdir.*

◊ **Täze küýzäň suwy sowuk** täze zadyň mazasy başga, täze zat gowy.

**TÄZEÇE** [tä:zeçe], *hal.* Täze görnüşde, başgaça.

**TÄZEÇIL** [tä:zeçil], *syp.* Täzeligi gowy görýän, halaýan, täzeçe ýaşamagy, geýinmegi we ş.m. söýýän.

**TÄZEÇILLIK** [tä:zeçillik], *at.* Täzeçe düşünje, garaýyş, çemeleşiş, täzäniň tarapdary bolmaklyk.

**TÄZEDEN** [tä:zeden], *hal.* Ýaňadan, gaýtadan, ýene bir gezek.

**TÄZEDÖREME** [tä:zedörömö], *at***.** Çiş görnüşli rak keseli.

◊ **Çäkli täzedöreme** çiş görnüşli täzedöreme. **Çäksiz täzedöreme** çiş görnüşli kanser häsiýetli täzedöreme.

**TÄZELEME** [tä:zeleme], *iş ady.* Täzelemek ýagdaýy.

**TÄZELEMEK** [tä:zelemek], *işl.* **1**. Köne zady täze bilen çalşyrmak, durkuna üýtgeşiklik girizmek. **2**. Üýtgetmek. *Ol gatnaşyk edýän adamlaryny täzeledi.*

**TÄZELEMEKLIK** [tä:zelemeklik], *iş ady.* Täzelemek ýagdaýy.

**TÄZELENMEK** [tä:zelenmek], *işl.* **1**. Köne zat täze bilen çalşyrylmak, könäniň ýerine täze goýulmak. **2**. *göç.m.* Bütinleý özgerdilen, üýtgedilen bolmak. *Tüweleme, ýüzüň-gözüň täzelenen ýaly bolaýypdyr.*

**TÄZELENIŞ** [tä:zeleniş], *iş ady.* Täzelenmek ýagdaýy.

**TÄZELEŞDIRMEK** [tä:zeleşdirmek], *işl.* **1**. Köne zatlary täze zatlar bilen çalşyryşdyrmak. **2**. *göç.m.* Üýtgedişdirmek, özgerdişdirmek. *Ol direktorlyga bellenensoň, mekdebiň umumy görnüşini, içki tertip-düzgünini täzeleşdirip başlady.*

**TÄZELEŞMEK** [tä:zeleşmek], *işl.* Könäniň ýerine täze goýuşmak, könäni täze bilen çalşyrmaga kömekleşmek.

**TÄZELETDIRMEK** [tä:zeletdirmek], *işl.* Täzeletmegi buýurmak, täzeletmegi amala aşyrtmak.

**TÄZELETMEK** [tä:zeletmek], *işl.* Täzelemek işini başga birine etdirmek. *Goňşymyz öýüniň gapysyny ussa täzeletdi.*

**TÄZELEÝIŞ** [tä:zeleýiş], *iş ady.* Täzelemek ýagdaýy.

**TÄZELIK** [tä:zelik], *at.* **1**. Her bir täze döräntä, döredilen zat. *Alymlarymyz ylma, hojalyga köp täzelik girizýärler.* **2**. Üýtgeşiklik, özgerişlik. *Ol öz durmuşyndaky bu täzelik hakda jorasyna habar berdi.* **3**. Täze, entek köpçülige ýaýramadyk habar. *Ol menden bir täzelik eşitse, soňrak ony ýene meniň özüme aýdardy.*

**TÄZELIKÇI** [tä:zelikçi], *at.* Täze, peýdaly usullary iş ýüzüne geçirýän adam, täzäniň tarapdary. *Ol ýüpek gurçugyny idetmekde täzelikçi boldy.*

**TÄZELIKÇILIK** [tä:zelikçilik], *at.* Işde täze, peýdaly usullary ýüze çykaryjylyk. *Häzir*

*ýurdumyzda tehnikanyň we täzelikçiligiň möwç urup ösýän wagty.*

**TÄZELIKDE** [tä:zelikde], *at.* Golaýda, ýaňy-ýakynda. *Ol täzelikde başga bir ajaýyp iş bitirdi.*

**TIBIRDEME** [tivirdeme], *iş ady.* Tibirdemek ýagdaýy.

**TIBIRDEMEK** [tivirdemek], *işl.* Teniň, bedeniň belli bir ýeri titremek, sandyramak. *Ökde ökdäni görende, aýagy tibirdär* (Nakyl).

**TIBIRDEMEKLIK** [tivirdemeklik], *iş ady.* Tibirdemek ýagdaýy.

**TIBIRDETMEK** [tivirdetmek], *işl.* Sandyratmak, gymyldatmak, titretmek. *Agyr ýatan syrkaw bir zat diýjek bolup, dodaklaryny çalarak tibirdetdi.*

**TIBIRDEÝIŞ** [tivirdeýiş], *iş ady.* Tibirdemek ýagdaýy.

**TIBIT** [tivit], *at.* Adamyň aşaky dodagynyň çukurja, oýja ýeri.

◊ **Tibidiňi dişlemek** näme-de bolsa bir zada ökünmek ýa-da ahmyr etmek. *Ol näme aýtjagyny bilmän, tibidini dişläp, ep-esli durdy.*

**TIGIR** [tiğir], *at.* **1**. Öz okunyň daşynda aýlanyp, bir zady herekete getirmek üçin hyzmat edýän tegelek enjam. *Arabanyň tigri.* **2**. Daşyna ýüplük, sapak ýa-da başga bir zat saralan tegek. *Onluk tigir.* **3**. *gepl.d.* Çarhy aýak bilen herekete getirilýän iki tigirli ulag. *Ol tigir ýaryşyna gatnaşdy.* **4**. Teker. *Maşyna tigir oturtmak.*

**TIGIRÇEK** [tiğirçek], *at.* Kiçijik tigir.

**TIGIRLEK** [tiğirlek], *at.* Çagalaryň simden ýörite ýasalan ýönekeýje enjamyň kömegi bilen tigirläp oýnaýan tegelek demir tigirçegi.

◊ **Tigirlek ýaly** ýeňil gopýan, tigirlenip ýören, ýumuş buýrsaň, derrew ýerine ýetirýän (çaga hakynda).

**TIGIRLEME** [tiğirleme], *iş ady.* Tigirlemek ýagdaýy.

**TIGIRLEMEK** [tiğirlemek], *işl.* **1**. Tigirli ýa-da tegelek bir zady, tigirli arabany we ş.m. itip aýlanyp gider ýaly etmek, aýlandyryp goýbermek. **2**. *gepl.d.* Işletmek, ýöretmek; aýlamak. **3**. Dowam etmek.

◊ **Gün-güzeranyňy tigirlemek** öýüň ykdysady ýagdaýynyň kadaly ýagdaýda bolmagyny gazanmak.

**TIGIRLEMEKLIK** [tiğirlemeklik], *iş ady.* Tigirlemek ýagdaýy.

**TIGIRLENMEK** [tiğirlenmek], *işl.* **1**. Tegelek ýa-da tigirli bir zat aýlanyp gitmek. **2**. *gepl.d.* Işlemek, ýöremek. *Maşyn tigirlenýärmi?*

**TIGIRLEŞDIRMEK** [tiğirleşdirmek], *işl.* Tigirleri ýa-da tegelek zatlary aýlanyp gider ýaly edişdirmek, aýlandyryp goýbermek. *Adamlar boşan çelekleri tigirleşdirip, maşyna golaý getirdiler.*

**TIGIRLEŞMEK** [tiğirleşmek], *işl.* **1**. Tigirlemäge kömek etmek. *Çelekleri tigirleşmek.* **2**. Bilelikde tigirlemek. *Çagalar tigirlek tigirleşip ýördüler.*

**TIGIRLETMEK** [tiğirletmek], *işl.* Tigirlenip gider ýaly etmek.

**TIGIRLEÝIŞ** [tiğirleýiş], *işl.* Tigirlemek ýagdaýy.

**TIJEME** [ti:jeme], *iş ady.* Tijemek ýagdaýy.

**TIJEMEK** [ti:jemek], *işl.* **1**. Bar bolan ähli güýç-gaýratyňy, başarnygyňy we ş.m. bir ýere jemlemek, toplamak. **2**. Ýerbe-ýer edip goýmak, tertipleşdirmek. *Içerini tijemek.*

**TIJEMEKLIK** [ti:jemeklik], *iş ady.* Tijemek ýagdaýy.

**TIJEMEZLIK** [ti:jemezlik], *iş ady.* Tijemek işi ni etmezlik.

**TIJENIŞMEK** [ti:jenişmek], *işl.* Birnäçe bolup ýa-da köpçülikleýin tijenmek.

**TIJENMEK** [ti:jenmek], *işl.* Gaýrata galmak, taýýar bolup durmak,taýýarlyk görülmek. *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.).

**TIJÄBERMEK** [tijä:vermek], *işl.* Tijäp başlamak.

**TIJEÝIŞ** [ti:jeýiş], *iş ady.* Tijemek ýagdaýy.

**TIKDIRME**, *iş ady.* Tikdirmek ýagdaýy.

**TIKDIRMEK**, *işl.* Tikmek işini başga birine etdirmek, ýerine ýetirtmek. *Biz ýüň matadan don tikdirmekçi* ("Türkmenistan").

**TIKE**, *at.* Döwlen zadyň kiçijik bölegi. *Gapa degip döwlen çäýnegiň her tikesi bir ýana uçdy.*

**TIKEN**, *at.* Ýandagyň, demirtikeniň, bägülüň we ş.m. ösümlikleriň ýa-da agajyň ujy inçejik, ýitije ösüntgisi. *Ýandagyň tikeni.*

**TIKENEK**, *at.* **1**. Tikenli ösümlik we onuň tiken görnüşli ösüntgisi. *Bu töweregiň otlary tikeneklidir.* **2**. Simiň uzyn ugruna uçlary ýiteldilip saralan sim bölekleri, tikenli sim. *Tikenek sim.*

**TIKENEKLEME**, *iş ady.* Tikeneklemek ýagdaýy.

**TIKENEKLEMEK**, *işl.* **1**. Tikenekli ösümliklerde we ş.m. tikenek çykyp başlamak. *Demir tiken tikenekläp başlapdy.* **2**. *göç.m.* Gorky, üşemek we ş.m. zerarly endamyň dyglap gitmek. *Bu sözi eşideninde, gyzyň endamy tikenekläp gitdi.*

**TIKENEKLETMEK**, *işl.* Endamyňy jümşüldetmek, teniňi çümmükleýän ýaly edip dygyrdatmak. *Daňdanyň çigregi iniňi tikenekledýärdi.*

**TIKENEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Tikeneklemek ýagdaýy.

**TIKENEKLI**, *syp.* **1**. Tikeni, tikenegi bar bolan. *Tikenekli gül. Tikenekli sim.* **2**. *göç.m.* Ýürege, jana degýän, ýerliksiz (söz hakynda).

**TIKENEK-TIKENEK**, *syp.* **1**. Tikenleri somalyşyp duran, bar ýeri tikenden doly. *Biziň şu erigimiziň şahalary tikenek-tikenek.* **2**. Dim-dik bolşup duran, syh-syh. *Onuň sakgal-murty tikenek-tikenekdi* ("Edebiýat we sungat").

**TIKENLI**, *syp., ösüml.d.* **1**. Tikeni bar bolan. *Tikenli çöpler. Tikenli agaç.* **2**. *göç.m.* Duzly, ýiti. ötgür. *Dili tikenli.*

**TIKE-TIKE**, *hal.* Bölek-bölek. *Eý, Saýat han, kyrk taýak ursaň, bu baba tike-tike bolar* ("Saýatly – Hemra").

**TIKILMEK**, *işl.* Tikin bilen berkidilip taýýarlanmak, sapakly iňňe bilen berkidilip, belli bir şekile getirilmek. *Biz matadan tikilen ezýaka köýnek.*

**TIKIM**,*at,ser.* **Tikin**.

**TIKIN**, *at.***1**. Tikin tikmek işi. **2**. Mata-marlagyň sapakly iňňe bilen tikilen ýeri.

◊ **Tikin maşyny** tikin tikýän maşyn.

**TIKIN-ÇATYN**, *at.* Her hili tikin işleri. *Ene iňňä sapak ötürinip, tikin-çatyn işleri bilen gümra boldy.*

**TIKINÇI**, *at.* Tikin tikmek işi bilen meşgullanýan adam.

**TIKINÇILIK**, *at.* Tikin tikmek käri, tikinçiniň ýagdaýy. *Mekdepde tikinçilik hem ýola goýuldy.*

**TIKINMEK**, *işl.* Özüň üçin tikmek. *Men şu wagt köýnek tikinýärin.*

**TIKIŞ**, *iş ady.* Tikmek ýagdaýy.

**TIKIŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýanyndan tikip çykmak, tikip bolmak. *Çagalara köýnek tikişdirmek.*

**TIKIŞMEK**, *işl.* **1**. Tikmäge kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde tikmek. *Gyzlar köýnek tikişip otyrdylar.*

**TIKME**, *iş ady.* Tikmek ýagdaýy.

**TIKMEK**, *işl.* Matany, derini biri-biri bilen iňňeli sapak arkaly birleşdirip, belli bir görnüşe getirmek. *Ekin ekdim darydan, Içmek tikdim ýarydan* (Läle).

**TIKMEKLIK**, *iş ady.* Tikmek ýagdaýy.

**TIL I**, *at.***1**. *şahyr.* Dil. *Toty kimin suhanwer, sözläp şirin tile gel* (Kemine). *Hiç unutman, janym çyksa bu tenden, Süýji sözlän tiller, galdyň, hoş indi* (Seýdi). **2**. *gepl.d.* Telefon.

◊ **Til bermek** söz, wada bermek. *Özgelerge til berip, halym perişan etmegil* (Mollanepes).

**TIL II: til kakmak** telefon etmek, jaň etmek.

**TILISGE** [tilisğe], *at.* Üzüm salkymyny emele getirýän birnäçe üzümli sapajyklar. *Bir tilisge üzüm.*

**TILKI**, *at.* **1**. Itler maşgalasyndan bolan uzyn tumşukly, pişge guýrukly, süýdemdiriji ýyrtyjy haýwan. *Ajaly ýeten tilki hinine bakyp uwlar* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Örän hilegär, sapalakçy, mekir.

◊ **Tilkiguýruk bolmak** daň saz bermek.

**TILKIÇAÝ** [tilkiça:ý], *at.* Boýy 20-30 *sm* ýetýän köpýyllyk, ýarym gyrymsy ýabany ösümlik.

**TILKILENMEK**, *işl.* Mysapyr bolmak, sessiz-üýnsüz gezmek. *Şunça pakyrlyga urdum özümi, Tilkilenip gezdim, adym gurt oldy* (Magtymguly).

**TILKILIK**, *at.* Mekirlik, hilegärlik.

**TILSIM**, *at.* **1**. *gepl.d.* Çala berkidilen, emel bilen edilen, çalaja ilteşip duran zat. *Gapa gulp diýip alan zadym ýöne bir tilsim eken, iki gün geçmänkä zyňaýmaly boldy.* **2**. Bir zadyň ýasalyşynyň inçeden çylşyrymly usuly. *Munuň nähili tilsimler bilen şeýle bolýanyny meniň bilesim gelýär.*

**TILSIMLI**, *syp.* Tilsimi bar bolan, emeli bar bolan. *Bujagaz açarlar şol tilsimli gapylary ozal hem birnäçe gezek açypdy.*

**TIMAR** [ti:ma:r], *at.* Bejerme, ýylmama, owadanlama, darama.

◊ **Timar bermek** *ser.* **Timarlamak**. *Daňdan turup, zülpüň darap, Timar bergin saçlaryňa* (Mätäji).

**TIMARLAMA** [ti:ma:rlama], *iş ady.* Timarlamak ýagdaýy.

**TIMARLAMAK** [ti:ma:rlamak], *işl.* Taraşlap görke getirmek, timar bermek.

**TIMARLAMAKLYK** [ti:ma:rlamaklyk] *iş ady.* Timarlamak ýagdaýy.

**TIMARLANMAK** [ti:ma:rlanmak], *işl.* Timar berilmek.*Olary göreniňde, çaga elleriniň astyndan çykan iş diýip aýdar ýaly däl, örän gelşikli timarlanypdyr* ("Mugallymlar gazeti").

**TIMARLAŞDYRMAK** [ti:ma:rlaşdyrmak], *işl.* Bir ýanyndan timarlap çykmak.

**TIMARLAŞMAK** [ti:ma:rlaşmak], *işl.* **1**.Timarlamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde timarlamak.

**TIMARLATMAK** [ti:ma:rlatmak], *işl.* Timarlamak işini başga birine etdirmek. *Öýümiziň içini gyzlara timarlatdyk.*

**TIMARLAÝYŞ**, *iş ady.* Timarlamak ýagdaýy.

**TIMARLY** [ti:ma:rly], *syp.* Gowy timar berlen, gelşikli. *Terbaza şiweli, käkilik nagyşly, Tugun guş timarly, tarlan bakyşly* (Magtymguly).

**TIMISGENIŞMEK** [timisğenişmek], *işl.* Birnäçe bolup timisgenip ýörmek.

**TIMISGENME** [timisğenme], *iş ady.* Timisgenmek ýagdaýy.

**TIMISGENMEK** [timisğenmek], *işl.* Bir zady aňtap ýörmek, bir zadyň ugrunda ysyrganyp ýörmek. *Timisgenip ýörmek.*

**TIMISGENMEKLIK** [timisğenmeklik], *iş ady.* Timisgenmek ýagdaýy.

**TIMISGENIŞ** [timisğeniş], *iş ady.* Timisgenmek ýagdaýy.

**TIŇKE: tiňkäňi dikmek** birine ýa-da bir zada dikanlap seretmek, jiňkerilmek,bar ünsüňi bir nokada gönükdirip, siňe seretmek.

**TIŇŇILDEME** [tiňňilleme], *iş ady.* Tiňňildemek ýagdaýy.

**TIŇŇILDEMEK** [tiňňillemek], *işl.* Tiňňil-tiňňil edip ses çykmak, tiňňildili seslenmek. *Dutarlar tiňňildeýärdi.*

**TIŇŇILDEMEKLIK** [tiňňillemeklik], *iş ady.* Tiňňildemek ýagdaýy.

**TIŇŇILDETMEK** [tiňňilletmek], *işl.* Tiňňildili saz çalmak. *Bagşy dutaryny eline alyp, tiňňildedip başlady.*

**TIŇŇILDI** [tiňňilli], *at.* Kirişli saz gurallary ýuwaşjadan çalnanda çykýan sesiň ady, tyňňyrdy.

**TIŇŇIRDEDIŞMEK**, *işl.* Birden köp bolup tiňňirdetmek. *Men otaga girenimde, oglanlar dutaryny başly-barat tiňňirdedişip otyrdylar.*

**TIŇŇIRDEMEK**, *işl., ser.* **Tyňňyrdamak**.*Onuň dutarynyň tiňňirdäp çykýan ýakymly owazy heniz hem gulagymda ýaňlanyp duran ýaly.*

**TIŇŇIRDETMEK**, *işl., ser.* **Tyňňyrdatmak**.

**TIŇŇIRDI**, *at.* Tyňňyrdy, tyňňyldy.

**TIŇŇI-TIŇŇI**, *s.ş.aňl.söz.* Kirişli saz gurallar ýuwaşjadan çalnanda çykýan ses, tyňňy-tyňňy.

**TIR** [ti:r] **I**, *at.* Öwrenmek ýa-da türgenleşmek işini geçirmek üçin nyşana ok atylýan ýer, jaý.

**TIR** [ti:r] **II**, *at, kön.s.* Ýaýyň oky. *Ganym bilen tiri-keman atyşdym* ("Saýatly – Hemra"). *Kirpikleri okdur, gaşy kemandyr, Nyşan boldum atan tirine gyzyň* (Mätäji).

**TIR** [ti:r] **III**, *at.* Galla öwsülýän gap, öwser. *"Hemişeki galandarlarmyka" diýip, ýyrtyk tirde bir gysym dary çykaryp berdiler* ("Görogly").

**TIRANA** [ti:ra:na], *at.* **1**. Bekreler maşgalasyndan bolan burny uzyn, gymmatbaha balyk. **2**. Geýime salynýan bir nagşyň ady.

**TIRDIRMEK** [ti:rdirmek], *işl., ser.* **Ýygdyrmak**. *Açylan gülleri tirdirmek.*

**TIRE** [ti:re], *at.* Urug, taýpa içindäki garyndaşlyk tarapyndan bölünen topar.

**TIREBAŞY** [ti:revaşy], *at.* Tiräniň aksakaly, ýaşulusy, öz tiresine kethudalyk edýän adam.

**TIREBAŞYLYK** [tirevaşylyk], *at.* Tirebaşy bolmaklyk, tirä kethudalyk etmeklik.

**TIREBAZ** [tireva:z], *syp., ser.* **Tireparaz**.

**TIREBAZLYK** [ti:reva:zlyk], *at, ser.* **Tireparazlyk**.

**TIREÇILIK** [ti:reçilik], *syp., ser.* **Tirebazlyk**.

**TIREDEŞ** [ti:redeş], *syp.* Bir tireden bolan, tireleri bir bolan, asly bir tireli.

**TIREPARAZ** [ti:reparaz], *syp.* Öz tiresiniň bähbidini has ileri tutýan, ony goldaýan, tirebaz, tireçi.

**TIREPARAZLYK** [ti:reparazlyk], *at.* Öz tiräň bähbidini has ileri tutmaklyk, ony goldamaklyk, tirebazlyk, tireçilik.

**TIRE-TAÝPA** [ti:re-ta:ýpa], *at, ser.* **Tire** we **Taýpa**.

**TIRILMEK** [ti:rilmek], *işl., ser.* **Ýygylmak**.

**TIRIŞMEK** [ti:rişmek], *işl., ser.* **Ýygyşmak**.

**TIRIŞ** [ti:riş], *iş ady.* Tirmek ýagdaýy.

**TIRJIN**, *at.* Gamşa meňzeş uzyn boýly, baldagy çybyk ýaly gaty ösümlik. *Kuwwatlyrak ýylgyndan bir ýaý ýasady, tirjinden ok ýasady, ujunam peýkam etdi* ("Görogly").

**TIRJINMEK**, *işl., gepl.d.* Biriniň golaý ýanyna baryp, dim-dik bolup durmak.

**TIRKEG** [tirkeğ], *at.* Bir zadyň yzyna tirkelýän ulag we onuň serişdeleri, enjamlary. *Traktorlaryň, ot ýatyrýan maşynlaryň we beýleki tirkeg gurallarynyň onlarçasy bar* ("Türkmenistan").

◊ **Tirkege almak** öz maşynyň, ulagyň yzyna tirkemek. *Onuň maşynyny tirkege aldyk.*

**TIRKELMEK**, *işl.* Bir zadyň yzyna berkidilmek, tirkeg edip goşulmak. *Maşyn traktoryň yzyna tirkeldi.*

**TIRKEME**, *iş ady.* Tirkemek ýagdaýy.

**TIRKEMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň yzyna berkitmek, tirkeg edip goşmak. *Maşyny maşynyň yzyna tirkäp getirmek.* **2**. Yzyna düşürip ýa-da ýanyň bilen alyp gitmek, gelmek. *Atasy agtygyny yzyna tirkäp, dükana gitdi.*

**TIRKEMEKLIK**, *iş ady.* Tirkemek ýagdaýy.

**TIRKEŞ**, *syp.* **1**. Biri-biriniň yzyndan tirkeşip gelýän. *Tirkeş sözler.* **2**. Oglana dakylýan at.

**TIRKEŞDIRMEK**, *işl.* Biri-biriniň yzyna tirkemek, baryny tirkäp çykmak.

**TIRKEŞIK**, *at.* Biri-biriniň yzyna tirkelen, hatara düzülen janly we jansyz zatlar. *Olar dört tirkeşik bolup, atlaryny ýolsuz ýerden sürüp gitdiler.*

**TIRKEŞMEK**, *işl.* **1**. Biriniň yzyna düşmek, biri bilen gezmek ýa-da köp bolup bile gezmek. *Biz üç bolup tirkeşip gelýäris* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Dost bolup gezmek, dostluk aragatnaşygyny saklamak.

**TIRKETMEK**, *işl.* Bir zadyň yzyna baglatmak, dakdyrmak. *Arabany maşyna tirkedip getirdik.*

**TIRKEÝIŞ**, *iş ady.* Tirkemek ýagdaýy.

**TIRKIŞ I**, *at.* Boýunturuga geýdirilip, tirkeg üçin ulanylýan ýüp. *Göle hamyndan edilen bir tirkiş asylgy durdy.*

**TIRKIŞ II**, *at.* **1**. Biri-biriniň yzyna tirkelen düýeler. *Serhowuz boýunda goşa nerwanly, Tirkişi üzülmez hatar kerwenli* ("Görogly"). **2**. Oglana dakylýan at.

**TIRLEME**, *iş ady.* Tirlemek ýagdaýy.

**TIRLEMEK**, *işl.* Togalak ýa-da aýlanýan bir zady pyrlamak. *Ol elindäki dessemmaýany tirläp goýberdi.*

**TIRLEMEKLIK**, *iş ady.* Tirlemek ýagdaýy.

**TIRLENDIRMEK** [tirlennirmek], *işl.* Tirlenmäge mejbur etmek, tirlenip goýberilen bolmak.

**TIRLENMEK**, *işl.* Aýlanmak, pyrlanmak.

**TIRLETMEK**, *işl.* Pyrlandyryp goýbermek.

**TIRLEÝIŞ**, *iş ady.* Tirlemek hereketi, ýagdaýy.

**TIRME** [ti:rme], *iş ady.* Tirmek ýagdaýy.

◊ **Tirme guşak** iki ujy seçekli, tarada dokalan, gaýmaly ýüpek guşak. *Onuň bökdergisinde gyrmyzy don, ak telpek, tirme guşak we beýleki gerekli zatlary bar eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**TIRMEK**, [ti:rmek], *işl., k. d. , ser.* **Ýygmak**. *Bagyň içre bagban bolsam, Tirsem täze gülleriňi* ("Şasenem – Garyp").

**TIRMEKLIK** [ti:rmeklik], *iş ady.* Tirmek ýagdaýy.

**TIRŇILDI** [tirňilli], *s.ş.aňl.söz.* Tyrňyldy.

**TIRPILDEME** [tirpilleme], *iş ady.* Tirpildemek ýagdaýy. *Onuň ýüregi tirpildemesini güýçlendirdi.*

**TIRPILDEMEK** [tirpillemek], *işl.* Damaryň ýa-da teniň belli bir agzasy çala urup hereketlenmek, müňküldemek. *Ýuka dodaklary bolsa ygtyýarsyz tirpildeýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**TIRPILDEMEKLIK** [tirpillemeklik], *iş ady.* Tirpildemek ýagdaýy.

**TIRPILDEŞMEK** [tirpilleşmek], *işl.* Birnäçesi üznüksiz tirpildäp durmak. *Onuň damarlary tirpildeşip durdy.*

**TIRPILDETMEK** [tirpilletmek], *işl.* Tirpildili hereket etdirmek, gymyldatmak, müňňüldetmek.

**TIRPILDEÝIŞ** [tirpilleýiş], *iş ady.* Tirpildemek ýagdaýy.

**TIRPILDI** [tirpilli], *at.* Ýüregiň ýa-da damaryň çala urmasy. *Damaryň tirpildisi.*

**TIRSEK**, *at.* **1**. Goluň çigin süňki bilen bilek süňkleriniň birleşip epilýän ýeri. *Ol tirsegini güpjege berip gyşardy.* **2**. Göni turbany başga ugra gönükdirmek üçin ulanylýan egri turba bölegi.

**TIRSEKBOÝY**, *at.* Eliň barmaklarynyň ujundan tirsege çenli aralyga barabar bolan uzynlyk ölçegi.

**TIRSEKLEME**, *iş ady.* Tirseklemek ýagdaýy.

**TIRSEKLEMEK**, *işl.* **1**. Tirsegiňi ýassyga goýup gyşarmak, ýassygy tirsegiň aşagyna almak. *Öý eýesi saçagyň başyndaky ýassyklaryň birini tirsekläp, gapdala gyşardy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Tirsegiň bilen birini kakmak; tirsegiňi çala degrip yşarat etmek. *Ol gapdalyndaky oturany tirsekledi.*

**TIRSEKLEMEKLIK**, *iş ady.* Tirseklemek ýagdaýy.

**TIRSEKLEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup tirsegiňi ýassyga goýup gyşaryp ýatmak.

◊ **Tirsekleşip oturmak** biri-biriňe ýakyn, tirsegiňi tirsegine degrip oturmak.

**TIRSEKLETMEK**, *işl.* Tirsegini ýassyga söýetmek. *Enegül garry atasyna ýassyga tirsekledip, çaý, nahar berdi.*

**TIRSEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Tirseklemek ýagdaýy. *Onuň ýassygy tirsekleýşi ykjamdy, turarly däldi.*

**TIRSEMEK,** *işl.* **1**. Çala öwrülmek, bir ýana gyşarmak.*Gorpdan geçen ýeriňde ýoluň saga tirseýän ýerinde sakçynyň çatmasy bardyr.* **2**. Tirsegiň bilen kakmak, tirseklemek. *Näme, beýdip meniň böwrüme tirsäp otyrsyň?*

**TIRSILDEME** [tirsilleme], *iş ady.* Tirsildemek ýagdaýy. *Onuň ýüreginde bir tirsildeme emele geldi.*

**TIRSILDEMEK** [tirsillemek], *işl., ser.* **Tirpildemek**.*Damar sähelçe tirsildeýär.*

**TIRSILDEMEKLIK** [tirsillemeklik], *iş ady.* Tirsildemek ýagdaýy.

**TIRSILDEMEZLIK** [tirsillemezlik], *işl.* Tirsildi döremezlik.

**TIRSILDEŞMEK** [tirsilleşmek], *işl.* Köp zat tirsildemek, birnäçesi tirsildemek.

**TIRSILDETMEK** [tirsilletmek], *işl.* Gymyldatmak, sandyratmak, tirs-tirs etdirmek.

**TIRSILDEÝIŞ** [tirsilleýiş], *iş ady.* Tirsildemek ýagdaýy. *Itden gorkan çaganyň ýüreginiň tirsildeýşi gaty güýçlüdi.*

**TIRSILDÄBERMEK** [tirsillävermek], *işl.* Tirsildäp ugramak. *Ýüregi birden tirsildäberdi.*

**TIRSILDI** [tirsilli], *ser.* **Tirpildi**.

**TIRT**, *at.* Ownuk samana kepek, paçak we ş.m. zatlar garylyp edilýän mal iými. *Çebişlere tirt edip goýdy.*

**TIRÝEK**, *at.* Göknaryň gozasynyň çirtilip alynýan şiresinden taýýarlanýan neşe maddasy.

**TIRÝEKHOR** [tirýekho:r], *syp., ser.* **Tirýekkeş**.

**TIRÝEKHORLUK** [tirýekho:rluk], *at, ser.* **Tirýekkeşlik**.

**TIRÝEKI**, *syp., ser.* **Tirýekkeş**.

**TIRÝEKILIK**, *at, ser.* **Tirýekkeşlik**.

**TIRÝEKKEŞ**, *at.* Tirýek çekýän ýa-da atýan (adam), neşekeş, neşebent.

**TIRÝEKKEŞLIK**, *at.* Tirýekkeş bolmaklyk, tirýekden habarlylyk, neşekeşlik.

**TISGINDIRMEK** [tisğinnirmek], *işl.* Duýdansyzlykda birden ziňkildetmek, gorkuzyp allaniçigsi etmek. *Şol habar diňe bir meni däl, beýlekileri-de tisgindirdi.*

**TISGINIŞ** [tisğiniş], *iş ady.* Tisginmek ýagdaýy.

**TISGINIŞMEK** [tisğinişmek], *işl.* Birnäçe bolup tisginmek.

**TISGINJIREMEK** [tisğinjiremek], *işl.* Duýdansyzlykda çalarak tisginmek. *Onuň dodaklary tisginjiredi.*

**TISGINME** [tisğinme], *iş ady.* Tisginmek ýagdaýy

**TISGINMEK** [tisğinmek], *işl.* Gorky-ürki we ş.m. sebäpli alaniçigsi bolmak. *Oglanjyk tisginip gitdi.*

**TISGINMEKLIK** [tisğinmeklik], *iş ady.* Tisginmek ýagdaýy.

**TIŞI**, *syp., kön.s.* Urkaçy (haýwanlar hakynda).

**TITI** [ti:ti], *syp., gepl.d.* Özüni öte arassa saklaýan, gowy, arassa geýinýän.

**TITILLEMEK** [ti:tillemek], *işl., gepl.d.* Üstüne-başyna serenjam berip, aladasyz gezmek, ýaşamak. *Onuň iş etsem diýen pikiri ýok, haçan görseň titilläp ýörendir.*

**TITILLEŞMEK** [ti:tilleşmek], *işl., gepl.d.* Bilelikde titillemek. *Iki jora titilleşip, seýilgähe tarap ugrady.*

**TITIR**, *at, ös* . Daglyk we çöllük ýerlerde ösýän gyrymsy köpýyllyk ösümlik.

**TITIRDEMEK**, *işl.*, *ser.* **Titremek.**

**TITIRDEŞMEK**, *işl.*, *ser.* **Titreşmek.**

**TITIR-TITIR: titir-titir etmek** gorky, üşütme, gahar we ş.m. sebäpli sandyrap titremek.

**TITREME** [titireme], *iş ady.* Titremek ýagdaýy.

**TITREMEK** [titiremek], *işl.* **1**. Zarba ýa-da başga bir zadyň güýji, täsiri we ş.m. sebäpli yrgyldamak, yraň atmak. *Onuň sakgaly hem titreýärdi.* **2**. Gorky, üşütme, gahar we ş.m. zerarly bedeniň galpyldamak, sandyramak. **3**. Güýçli ýerasty sarsgyn sebäpli ýeriň üstki gatlagy yranmak.*Ýer titremek.*

**TITREMEKLIK** [titiremeklik], *iş ady.* Titremek ýagdaýy.

**TITREŞMEK** [titireşmek], *işl.* Köp zat bilelikde titremek.

**TITRETMEK** [titiretmek], *işl.* Bir zady sandyratmak, yrgyldatmak, titreme emele getirmek. *Ysytma onuň deşli göwresini titredýärdi.*

**TITREWÜK** [titiröwük], **1**. *syp.* Titräp duran, sandyrawuk. *Titrewük ses.* **2**. Köplenç, eli titräp duran adam.

**TITREÝIŞ** [titireýiş], *iş ady.* Titremek ýagdaýy. *Her gezek ýeriň titreýşi dürli bolýar.*

**TIZ** [ti:z], *hal.* Çalt, derrew, basym, dessine.

◊ **Tiz lukmançylyk kömegi 1**) gyssagly suratda ilkinji lukmançylyk kömegini bermek, şonuň ýaly-da heläkçilige uçranlary kesel bejeriş edaralaryna getirmek bilen meşgullanýan medisina gullugy. **2**) heläkçilige uçran adamlary gyssagly suratda kesel bejeriş edaralaryna getirýän maşyn. **Tiz kömek** *ser.* **Tiz lukmançylyk kömegi**.

**TIZDEN-TIZ** [ti:zzen-ti:z], *hal.* Örän tiz, gaty çalt, derrew. *Tizden-tiz sorasyn, bikär ýatmasyn, Çyn ýagşynyň galyňyndan gaýtmasyn* (Çary Afzal).

**TIZLEME** [ti:zleme], *iş ady.* Tizlemek ýagdaýy.

**TIZLEMEK** [ti:zlemek], *işl.* Bir zadyň, işiň we ş.m. amal edilişini çaltlandyrmak. *Bu işi tizlemek üçin her kimiň ýerli-ýerden, güýjüniň ýetdiginden kömek bermegi gerek.*

**TIZLEMEKLIK** [ti:zlemeklik], *iş ady.* Tizlemek ýagdaýy.

**TIZLENDIRMEK** [ti:zlennirmek], *işl., ser.* **Tizleşdirmek**.

**TIZLENME** [ti:zlenme], *iş ady.* Tizlenmek ýagdaýy. *Otlynyň tizlenme hereketi sagatda 60 km barabar boldy.*

**TIZLENMEK** [ti:zlenmek], *işl.* Çaltlanmak, batlanmak, belli bir tizlige eýe bolmak.

**TIZLEŞDIRILMEK** [ti:zleşdirilmek], *işl.* Çaltlaşdyrylmak.

**TIZLEŞDIRMEK** [ti:zleşdirmek], *işl.* Bir işiň edilmegini çaltlandyrmak, depginini güýçlendirmek. *Onuň tutanýerli zähmeti gözleg işlerini tizleşdirýärdi.*

**TIZLEŞMEK** [ti:zleşmek], *işl.* Çaltlaşmak, depgini güýçlenmek, basym bolmak. *Näçe yhlasly işlense, kölüň gurluşygy şonça-da tizleşer.*

**TIZLEÝIŞ** [ti:zleýiş], *iş ady.* Tizlemek ýagdaýy.

**TIZLIK** [ti:zlik], *at.* **1**. Bir işiň, hereketiň çaltlyk derejesi. *Otlynyň tizligi.* **2**. *fiz.* Wagt aralygyna laýyklykda jisimiň geçen ýoluna bolan gatnaşygy. *Orta tizlik. Haýal tizlik. Tizlik birligi.*

**TIZLIKDE** [ti:zlikde], *hal.* Ýakyn wagtda, uzaga çekdirilmän, tiz wagtyň içinde, ýakynda, golaýda.

**TIZ-TIZ** [ti:z-ti:z], *hal.* Çalt-çalt.

**TIZ-TIZDEN** [ti:z-ti:zzen], *hal.* Çalt-çaltdan, ara wagt salman, dessine, haýal etmän. *Onuň sesi başga daraklaryň sesinden has zarplyrak çykyp, kakymy tiz-tizden berilýärdi.*

**TOBA** [to:vo], *üml.* Puşman etme, päliňden gaýtma. *– Toba, toba! – diýip ýakasyna tüýkürdi.*

◊ **Toba etmek (eýlemek, kylmak)** päliňden gaýtmak, gaýtmyşym etmek, puşman etmek. *Ýigitlikde kylsaň toba, köp derdiňe dowa bolar* (Magtymguly). **Toba getirmek** ýola salmak, tertibe salmak, eden işine ökündirmek.

**TOBA-TAGSYR** [to:vo-tağsy:r], *üml., ser.* **Toba**.

◊ **Uly söze toba tagsyr** "uly geplemäýin" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**TOGALAK** [toğolok], *syp.* **1**. Top, pökgi görnüşindäki. **2**. Oklaw şekilli, ýasy däl. *Togalak pürs.* **3**. *göç.m.* Kelte boýly hem-de inedördül. *Togalak oglan.*

**TOGALAMA** [toğolomo], *iş ady.* Togalamak ýagdaýy.

**TOGALAMAK** [toğolomok], *işl.* **1**. Bir zady togalak etmek, togalak görnüşine getirmek, togarlamak. **2**. Oklaw, turba görnüşine getirmek. **3**. Tigirläp goýbermek, togarlamak. *Olar gaýadan daş togaladylar.*

**TOGALAMAKLYK** [toğolomokluk], *iş ady.* Togalamak ýagdaýy.

**TOGALANMAK** [toğolonmok], *işl.* **1**. Togalak bolmak. **2**. Eýläk-beýläk agdarylmak, agynamak. *Iti boşanyp, ekiniň içinde togalanyp oýnapdyr.* **3**. Ýokardan aşak aşyrylyp-aşyrylyp gitmek, togarlanmak.

**TOGALANYŞMAK** [toğolonuşmok], *işl.* Köp bolup togalanmak.

**TOGALAŞDYRMAK** [toğoloşdurmok], *işl.* Köp zady togalap çykmak. *Ol horjuna elini sokup, alma hem nar çykaryp, ogluna tarap togalaşdyrdy.*

**TOGALAŞMAK** [toğoloşmok], *işl.* **1**. Togalamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde togalamak. *Adamlar dagdan daş togalaşyp durdular.*

**TOGALATMAK** [toğolotmok], *işl.* Togalamak işini başga birine etdirmek.

**TOGALAÝYŞ** [toğoloýuş], *iş ady.* Togalamak ýagdaýy.

**TOGAP** [toğa:p]**: togap etmek** birini ýa-da bir zady mukaddes hasap edip, daşyndan aýlanmak, şoňa çokunmak, maňlaýyňa sylmak, degirmek. *Men togap edermen aýak tozlaryň* ("Şasenem – Garyp").

**TOGAR** [toğor], *syp.,at.* Kagyz, mata ýaly ýuka zatlaryň öz daşyna saralan bölegi, top. *Bir togar kagyz.*

**TOGARLAMA** [togorlomo], *iş ady.* Togalamak ýagdaýy.

**TOGARLAMAK** [toğorlomok], *işl., gepl.d.* Togalamak.

**TOGARLANMAK** [toğorlonmok], *işl., gepl.d.* Togalanmak. *Ol iki ýana togarlanýardy.*

**TOGARLAŞMAK** [toğorloşmok], *işl.* **1**. Togarlamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde togarlamak. *Oglanlar üýşüp gar togarlaşdylar.*

**TOGARLATDYRMAK** [toğorlotdurmok], *işl., ser.* **Togarlatmak**.

**TOGARLATMAK** [toğorlotmok], *işl.* Togarlamak işini başga birine etdirmek. *Kakam howludaky pürsleri, çelekleri bize togarlatdy.*

**TOGARLAÝYŞ** [toğorloýuş], *iş ady.* Togarlamak ýagdaýy.

**TOGDARY** [toğdory], *at.* Gazlar maşgalasyndan bolan uly aw guşy.

**TOGSAN** [toğson], *san.* 90 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

◊ **Togsan dolmak** gyşyň üç aýy, togsan güni tamamlanmak, gyş çykmak. *Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz* (Magtymguly).

**TOGSANYNJY** [toğsonunjy], 90 sanyndan ýasalan tertip san.

**TOGTADYLMAK** [toğtodulmok], *işl.* Hereketi bes edilmek, duruzulmak.

**TOGTAMA** [toğtomo], *iş ady.* Togtamak ýagdaýy.

**TOGTAMAK** [toğtomok], *işl.* **1**. Hereketi durmak, ýatmak, saklanmak. *Harasat togtap, howa açylypdy.* **2**. Aýak çekmek, durmak, ýöremegi bes etmek, saklanmak. *Olar uly erik agajynyň düýbünde togtadylar.*

**TOGTAMAKLYK** [toğtomokluk], *iş ady.* Togtamak ýagdaýy.

**TOGTAŞMAK** [toğtoşmok], *işl.* **1**. Köp zadyň hereketi togtamak. **2**. Birneme saklanmak, ýatyşmak, az-owlak köşeşmek, duruşmak. *Köşekleriň bozlaşygy birneme togtaşdy.*

**TOGTATMAK** [toğtotmok], *işl.* Saklatmak, bökdetmek, duruzmak. *Düýnki ýagan gar gyzgalaňly barýan işi wagtlaýynça togtatdy.*

**TOGTAW** [toğtow], *at, gepl.d.* Hereketsiz ýagdaý.

**TOGTAWSYZ** [toğtowsuz], *syp.* Hemişe hereketde bolan, dynuwsyz, birsyhly, durman. *Dogry, otlynyň işi elmydama togtawsyz, köp hysyrdyly işdi.*

**TOGTAÝYŞ** [toğtoýuş], *iş ady.* Togtamak ýagdaýy.

**TOHUM**, *at.* **1**. Ekmek üçin niýetlenen saýlama däne, çigit. **2**. Janly bedeni emele getirýän madda, döl. **3**. Hili oňat (haýwan). *Tohum at.* **4**. Nesil, nebere, tohum-tiç.

◊ **Tohum almak** tohumlar gögerip, düýp tutmak.

**TOHUMÇYLYK** [tohumçuluk], *at,* Oba hojalygynyň tohum taýýarlaýan pudagy.

**TOHUMLAMA** [tohumlomo], *iş ady.* Tohumlamak ýagdaýy.

**TOHUMLAMAK** [tohumlomok], *işl.* Tohum emele gelmek, tohumlyga ýetişmek. *Semzek tohumlapdyr.*

**TOHUMLAMAKLYK** [tohumlomokluk], *iş ady.* Tohumlamak ýagdaýy.

**TOHUMLANDYRMAK** [tohumlonnurmok], *işl.* Emeli usul bilen tohum goýbermek, tohum alar ýaly etmek (haýwan hakynda).

**TOHUMLAÝYŞ** [tohumloýuş], *iş ady.* Tohumlamak ýagdaýy.

**TOHUMLYK** [tohumluk], *syp.* **1**. Tohum üçin niýetlenen. *Tohumlyk ýorunja.* **2**. Tohum mal hökmünde saklanýan. *Tohumlyk mal.* **3**. Janly organizmi emele getirýän tohumyň ýygnanýan ýeri; erkeklik jynsy.

**TOHUMSYZLYK** [tohumsuzluk], *at.* Tohumy bolmazlyk, tohumy ýokluk.

**TOHUM-TIÇ** [tohum-ti:ç], *at.* Ata-baba, kowum-garyndaş.

**TOK**, *üml.* Towuk kowlanda aýdylýan söz. *"Tok!" diýip, towugy kowdy.*

**TOK** [to:k], *at, fiz.* Elektrik zarýadlarynyň geçiriji simdäki hereketi, elektrik energiýasy, elektrik güýji.

◊ **Tok urmak** endamyňa tok ýaýrap seňseletmek, öldürmek.

**TOKA** [toko], *at.* **1**. Guşagyň, çekiniň ujuna berkidilýän demir halka, doka. **2**. Jebis durmagy üçin guşaga geýdirilýän gaýyş halka, doka. **3.** *zergärç.* Gaýyşdan ýasalyp ýüzi kümüş şaýlyklar, guşgöziler bilen bezelen guşagyň ujuna birikdirilýän baglaýjysy, aýyltokasy.

**TOKAR** [tokor], *syp.* **1**. Beýlekilere garaňda ulurak, ekabyrrak (çaga hakynda). *Aramyzda iň tokarymyz Setdardy.* **2**. Keýigiň çagasy. **3**. Adam ady.

**TOKAÝ** [tokoý], *at.* Her hili agaçlar gögerip oturan, giden agaçlyk meýdan. *Tokaýlaryň turajy, akar suwuň balygy* (Mätäji).

**TOKAÝÇY** [tokoýçy], *at.* Tokaý sakçysy, tokaý gözegçisi.

**TOKAÝÇYLYK** [tokoýçuluk], *at.* **1**. *ser.* **Tokaýlyk**. *Bu daglaryň jülgesi giden tokaýçylyk.* **2**. Tokaý hojalygy hakyndaky ylym.

**TOKAÝLY** [tokoýly], *syp.* Tokaý bar bolan, tokaý ösüp oturan. *Tokaýly meýdanlar.*

**TOKAÝLYK** [tokoýluk], *at.* Agaçlaryň gür tokaý emele getirip oturan ýeri. *Ok atsaň geçmejek sümme tokaýlyk.*

**TOKÇY** [to:kçy], *at.* Tok çekmek işleri boýunça hünärmen. *Tokçy öýümize gelip, yşygymyzy ýakyp berdi.*

**TOKGA** [tokgo], *syp.***1**. Togalak şekilli. *Bir tokga daş.* **2**. Kelteden ýogyn, dolmuş, etli-ganly. *Tokga adam.* **3**. Adam ady.

**TOKGALABERMEK** [tokgola:vermek], *işl.* Tokgalap ugramak.

**TOKGALAMA** [tokgolomo], *iş ady.* Tokgalamak ýagdaýy.

**TOKGALAMAK** [tokgolomok], *işl.***1**. Bir zady togalak, tokga etmek, tokga görnüşe salmak. *Palçygy tokgalamak.* **2**. Ep-esli puly jemläp goýmak. *Bir million manady tokgalap goýdum.*

**TOKGALAMAZLYK** [tokgolomozluk], *iş ady.* Tokgalap goýmazlyk.

**TOKGALAŞDYRMAK** [tokgoloşdurmok], *işl.* Bir ýan ujundan tokgalap çykmak, köp zady tokgalamak.

**TOKGALAŞMAK** [tokgoloşmok], *işl.* **1**. Tokgalamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde tokgalamak.

**TOKGALATDYRMAK** [tokgolotdyrmok], *işl.* Bir zady birine tokgalatmak.

**TOKGALATMAK** [tokgolotmok], *işl.* Bir zady başga birine tokga-tokga etdirmek.

**TOKGALAÝYŞ** [tokgoloýuş], *iş ady.* Tokgalamak ýagdaýy.

**TOKLUTAÝ**, *at.* Ýelekleri çalymtyl-goňur, çalt ylgaýan, emma haýal uçýan uly guş.

**TOKLY**, *at.* Guzudan uly, alty aýlykdan bir ýaşyna çenli aralykdaky goýun maly.

**TOKMAK** [tokmok], *at.* **1**. Bugdaý, arpa başlaryny we ş.m. döwmek üçin ulanylýan sokudaş

görnüşli, saply, süýri agaç gural. **2**. *göç.m.* Kötek, tankyt.

**TOKMAKLAMA** [tokmoklomo], *iş ady.* Tokmaklamak ýagdaýy.

**TOKMAKLAMAK** [tokmoklomok], *işl.* **1**. Tokmak bilen döwmek, tokmak bilen owratmak. *Şu gara ýeri tokmaklasaň-da tokmaklamaly, tokmaklamasaň-da tokmaklamaly* (Ýaňyltmaç). **2**. *göç.m.* Köteklemek, käýemek, tankyt etmek.

**TOKMAKLAMAKLYK** [tokmoklomokluk], *iş ady.* Tokmaklamak ýagdaýy.

**TOKMAKLANMAK** [tokmoklonmok], *işl.* **1**. Tokmak bilen döwülmek. *Howludaky bugdaý-da, dary-da tokmaklandy.* **2**. *göç.m.* Tankytlanmak, köteklenmek.

**TOKMAKLAŞMAK** [tokmokloşmok], *işl.* **1**. Tokmak bilen döwüşmek. **2**. *göç.m.* Biri-biriňi tankyt etmek.

**TOKMAKLATMAK** [tokmoklotmok], *işl.* **1**. Tokmak bilen döwdürmek. **2**. *göç.m.* Tankytlatmak, kötekletmek.

**TOKMAKLAÝYŞ** [tokmokloýuş], *iş ady.* Tokmaklamak ýagdaýy.

**TOKULATMAK** [tokulotmok], *işl.* Bir zat bilen batly urmak, ýelmemek.

**TOKURTGA** [tokurtgo], *at.* Pele, atyza we ş.m. ýerlere suw akdyrmak, suwarmak üçin ulanylýan turba. *Ýabyň tokurtgasyny dykmak.*

**TOL** [to:l], *at.* Gaty kagyza garaýag siňdirilip ýasalýan we tamyň üstüne ýapmak üçin ulanylýan material.

**TOLARSAK** [tolorsok], *at.* Düýäniň, sygryň aýaklarynyň dyz hamy we ondan edilýän çaryk.

**TOLAÝ** [toloý], *syp.*, *gepl.d.* Tutuş, lomaý (pul bilen baglylykda ulanylýar). *Oňa bir ýerden tolaý pul düşüpdir öýdýän.*

**TOLGUNDYRMAK** [tolğunnurmok], *işl.* Biynjalyk ýagdaýa salmak, howsala salmak, rahatsyzlandyrmak. *Ol ýüregini tolgundyryp duran sözlerini maňa aýtdy.*

**TOLGUNMA** [tolğunmo], *iş ady.* Tolgunmak ýagdaýy. *Tolgunmadan ýaňa ol birbada şeýle pursatlarda uzyn gije taýýarlanyp oturan etsem-petsemlerini-de ýadyndan çykardy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.).

**TOLGUNMAK** [tolğunmok], *işl.* Biynjalyk ýagdaýa düşmek, rahatsyzlanmak, kalbyňda tolgunma döremek. *Onuň juwan kalby hiç haçan häzirkisi ýaly tolgunan däldir.*

**TOLGUNMAKLYK** [tolğunmokluk], Tolgunmak ýagdaýy.

**TOLGUNYŞ** [tolğunuş], *iş ady.* Tolgunmak ýagdaýy.

**TOLGUNYŞMAK** [tolğunuşmok], *işl.* Köpçülikleýin tolgunmak, howsala düşmek, aladalanmak, biynjalyk bolmak. *Bir howpuň bardygyny aňlan goýunlar üşerilişip seredişdiler, tolgunyşyp bir tarapa gysyldylar.*

**TOLKUN**, *at.***1**. Ýel, şemal we ş.m. sebäpli suwuň ýüzünde emele gelýän örküçli hereket, suwuň ýüzüniň örküçli hereketi. **2**. Fiziki maýyşgak şertlerde emele gelýän yrgyldyly hereket. *Sesiň howadaky yrgyldyly tolkuny.* **3**. *göç.m.* Köpçüligiň möwç almagy bilen döreýän, ýüze çykýan köçe hereketi.

**TOLKUNDYRMAK** [tolkunnurmok], *işl.* Tolkun atdyrmak, tolkunly hereketi emele getirmek, tolkunlatmak. *Şol wagt bir tarapdan tüweleý turup, suwy tolkundyryp, suw içmäge baran ýaňky garynjany suwa gaçyrypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**TOLKUNJYRAMAK** [tolkunjuromok], *işl.* Çalaja tolkun atyp başlamak, ýuwaş-ýuwaşdan tolkunmak.

**TOLKUNLANMAK** [tolkunlonmok], *işl., ser.* **Tolkunmak**.

**TOLKUNLATMAK** [tolkunlotmok], *işl., ser.* **Tolkundyrmak**.

**TOLKUNMAK** [tolkunmok], *işl.* **1**. Tolkun atmak, herekete gelmek, çyrpynmak, çaýkanmak (suw, suwuklyk hakynda). *Giň meýdanda suwlar tolkunyp başlady.* **2**. Yraň atmak, ygşyldamak. **3**. *göç.m.* Möwç alyp herekete gelmek.

**TOM** [to:m], *at.* Eseriň aýratynlykdaky bir kitaby. *Ol kän tomlary elden geçirdi.*

**TOMAGA** [tomoğo], *at.* Täze tutulan aw guşunyň kellesine ol tä eldeki bolýança geýdirilýän gaýyş gap.

**TOMAGALY** [tomoğoly], *syp.* Kellesine tomaga geýdirilen. *Tomagaly humaý kimin...* ("Şasenem – Garyp").

**TOMALANMAK** [tomolonmok], *işl.,gepl.d.* Kelemenläp, düňderilip gaýtmak, togalanmak. *Eňkamsyz goja basgançakdan aşaklygyna tomalanyp gidýär.*

**TOMAŞA** [tomoşo], *at.* Nazaryňy, ünsüňi özüňe çekýän, gyzyklandyrýan zat, gülküli, gyzykly oýun, şagalaňly waka.

◊ **Tomaşa etmek (eýlemek)** bir zada gyzyklanyp seretmek. *Tomaşa eýläp toýlarda, görenler ýagşy diýdi* (Mätäji).

**TOMAŞAÇY** [tomoşoçy], *at.* Bir zada tomaşa edýän adam. *Bu oýna örän köp tomaşaçy geldi.*

**TOMAŞALY** [tomoşoly], *syp.* Şagalaňly, şüweleňli. *Olar topar tutup, tomaşaly baglarda seýil edýärler.*

**TOMMAK** [tommok], *at.* Bir zadyň tommaryp, pökgerip duran ýeri, güberçek.

**TOMMARMAK** [tommormok], *işl.* Güberip, pökgerip durmak.

**TOMMAÝ** [tomma:ý], *at.* Agajyň, taýagyň we ş.m. ujunyň ýogyn ýeri.

**TOMMUK**, *at.***1**. Gum üýşürilen tümmejik, gum üýşmejigi. **2**. Ýykylmazlyk, gyşarmazlyk üçin jöwen, günebakar ýaly käbir ösümlikleriň düýbüne üýşürilen gum.

**TOMMUKLABERMEK** [tommukla:vermek], *işl.* Tommuklap başlamak.

**TOMMUKLAMA** [tommuklomo], *iş ady.* Tommuklamak ýagdaýy.

**TOMMUKLAMAK** [tommuklomok], *işl.* Gawun-garpyz, hyýar, kädi, badamjan ýaly ekinleriň

düýbüni ýumşak saklamak we ýykylmazlyklary üçin olaryň töweregine gum üýşürmek.

**TOMMUKLAMAZLYK** [tommuklomozluk], *iş ady.*. Tommuklamak işini ýerine ýetirmezlik.

**TOMMUKLANMAK** [tommuklonmok], *işl.* Düýbüne gum üýşürilip tommuk edilmek. *Pomidorlar eýýäm tommuklanypdyr.*

**TOMMUKLAŞDYRMAK** [tommukloşdurmok], *işl.* Ýykylmazlyk, gyşarmazlyk hem-de töwereginiň gatamazlygy üçin pomidor, hyýar, kädi ýaly käbir ekinleriň düýbüne gum üýşürişdirmek. *Ol pomidorlaryň düýbüni tommuklaşdyryp çykdy.*

**TOMMUKLAŞMAK** [tommukloşmok], *işl.* **1**. Tommuklamaga kömek bermek. **2**. Bilelikde tommuklamak.

**TOMMUKLATMAK** [tommuklotmok], *işl.* Tommuklamak işini başga birine etdirmek. *Pomidorlaryň düýbüni tommuklatmaga adam tapjak bolýaryn.*

**TOMMUKLAÝYŞ** [tommukloýuş], *iş ady.* Tommuklamak ýagdaýy.

**TOMOGRAFIÝA** [tomogyra:fyýa], *at.* Barlag üçin rentgenorafiýa usuly bilen beden agzasynyň aýry-aýry gatlaklarynyň kölege şekillerini almak.

**TOMSUNA** [tomsuno], *hal.* Tomus wagty. *Türkmenistanda tomsuna jöwzaly günler köp bolýar.*

**TOMUS**, *at.* Ýylyň ýaz bilen güýz aralygyndaky yssy pasly. *Tomus depesi gaýnamadygyň gyş gazany gaýnamaz* (Nakyl).

**TOMUSKY,** *syp.* **1**. Tomus üçin niýetlenen. *Tomusky klub.* **2**. Tomusdaky. *Ony tomusky görşüm.*

**TOMZAK** [tomzok] *at.* Gaty ganatlylar maşgalasyndan bolan mör-möjek.

**TON** [to:n], *at, gepl.d.*, *ser.* **Tonna**.

◊ **Ýüzüňi ton ýarym edip oturmak** ýüzüňi agryljyradyp, agrassyrap gomparyp oturmak.

**TONNA** [to:nno], *at.* 1000 *kg* barabar agyrlyk ölçegi.

**TONNALAMA** [to:nnolomo], *iş ady.* Tonnalamak ýagdaýy.

**TONNALAMAK** [to:nnolomok], *işl.* Tonna hasaby bilen ölçemek, tonna-tonna edip bölmek. Köp tonna, tonna-tonna ( hal işliginiň goşulmasy goşulan halatynda ulanylýar). *Ol şu ýyl eken ýerinden tonnalap bugdaý aldy.*

**TONNALAÝYŞ** [to:nnoloýuş], *iş ady.* Tonnalamak ýagdaýy.

**TONNALYK** [to:nnoluk], *syp.* Agramy tonna deň bolan. *On tonnalyk maşyn.*

**TONNA-TONNA** [to:nno-to:nno], *hal.* Köp tonnalap, tonnalap-tonnalap, köp tonna möçberinde. *Ýerden tonna-tonna hasyl almak.*

**TOŇK**, *s.ş.aňl.söz.* Içi boş demir gap gaty ýere gaçanda ýa-da şol gaba gaty zat bat bilen degende çykýan ses.

**TOŇKARMA** [toňkormo], *iş ady.* Toňkarmak ýagdaýy.

**TOŇKARMAK** [toňkormok], *işl.* Püri, şahasy kesilen görnüşde bolmak, şonuň ýaly-da saçy syrylan ýa-da başy açyk ýagdaýda bolmak. *Bir gün gelsem, kesilen tut agajy toňkaryp otyr.*

**TOŇKARTMAK** [toňkortmok], *işl.* Toňkaran ýagdaýa, görnüşe salmak. *Ol tahýasyny geýmän, syrylan kellesini toňkardyp otyrdy.*

**TOŇKARYLMAK** [toňkorulmok], *işl.* Toňkaryp durmak. *Çybyklary gyrkylan üzüm agaçlary keseden toňkarylyp görünýär.*

**TOŇKATAR**, *at.* Ýekenil tüpeň.

**TOŇKULDAMA** [toňkullomo], *iş ady.* Toňkuldamak ýagdaýy.

**TOŇKULDAMAK** [toňkullomok], *işl.*"Toňk!" edip ses çykarmak, toňkuldyly ses çykmak. *Tüpeň sesi toňkuldap çykdy.*

**TOŇKULDATMAK** [toňkullotmok], *işl.*"Toňk!" edip ses çykartmak, toňkuldyly ses çykartmak. *Ol awa gidende, ýekenil bilen toňkuldadyp guş atardy.*

**TOŇKULDAÝYŞ** [toňkulloýuş], *iş ady.* Toňkuldamak ýagdaýy.

**TOŇKULDY** [toňkully], *at.* Içi boş demir gap gaty ýere gaçanda ýa-da şol gaba gaty zat bat bilen degende çykýan sesiň ady.

**TOP I**, *at.* Içine ýel berlip oýnalýan rezin ýa-da gaýyş pökgi. *Top oýnamak.*

**TOP II**, *at.* **1**. Belli bir mukdardaky zatlaryň daňysy. *Bir top mata.* **2**. Topar. *Garakçy topdan aýrylany sanjar* (Sopy Allaýar). *Olar topy bilen toýa ugrady.*

◊ **Top tutmak** bir ýere jemlenmek, üýşmek. *Ileri-gaýra dyzaşýan atlar top tutup durdular.* **Top urmak** ýalan sözlemek, aldamak, çypdyrmak; ýapa degmeýän söz aýtmak.

**TOP III**, *at, harby.* Ýogyn uzyn nilli we dürli ölçegli ot açýan ýarag. *Toplaryň gümmürdisi.*

**TOP IV**, *at.* **1**. Suw degirmeniniň çarhynyň perlerini birleşdirýän ýogyn tegelek agaç. **2**. Içinden arabanyň oky geçýän togalak agaç.

**TOPALAK** [topolok], *at, ösüml.d.* Suwluk ýerlerde ösýän düýbi garaja kösükli haşal ot.

**TOPALAŇ** [topoloň], *at.* Nägilelik sebäpli adamlaryň galmagally üýşmeleňi, gozgalaňy.

**TOPALAŇÇY** [topoloňçy], *at.* Topalaňa gatnaşyjy.

**TOPAR** [topor], *at.* **1**. Adamlaryň bir ýere jemlenen üýşmegi, toplumy. *Kärendeçilikde ýaş össürimleriň uly topary işleýär.* **2**. Bir maksat üçin, bir kär, iş boýunça toplanan adamlaryň jemi.

◊ **Topar tutmak** topar bolup birleşmek, bir topara üýşmek, jemlenmek. *Olar topar tutup, tirkeşip ugradylar.*

**TOPARLANMAK** [toporlonmok], *işl.* Topar bolup üýşmek. *Toparlanyp, dörtden-bäşden kölegede otyrdylar.*

**TOPARLANYŞMAK** [toporlonuşmok], *işl.* Birnäçe bolup üýşmek, toparlanmak.

**TOPAZ** [topoz] **I**, *at.* Uly malyň aşygy.

**TOPAZ** [topoz] **II**, *at.* Degirmeniň aşaky daşynyň deşigine kakylýan togalak agaç.

**TOPAZ** [topoz] **III**, *at.* Gymmatbaha daş hökmünde ulanylýan dürli reňkli gaty jisim.

**TOPBAK** [topbok], *at.* **1**. Nämedir bir zadyň bir ýere jemlenen üýşmegi, topar. *Günbatardan bir topbak çal bulut kem-kemden süýşüp gelýärdi.* **2**.

*gepl.d.* Goşgynyň bir bendi. *Goşgynyň bir topbagyny ýat tutmak.*

**TOPBAKLAMA** [topboklomo], *iş ady.* Topbaklamak ýagdaýy.

**TOPBAKLAMAK** [topboklomok], *işl.* Topbak-topbak etmek.

**TOPBAKLANMAK** [topboklonmok], *işl.* Topbak-topbak edilmek. *Ýyglan otlar bir ýere topbaklandy.*

**TOPBAKLAŞDYRMAK** [topbokloşdurmok], *işl.* Topbak-topbak edişdirmek, bir ýere üýşürişdirmek, jemleşdirmek.

**TOPBAKLAŞMAK** [topbokloşmok], *işl.* Topbak etmäge kömekleşmek, üýşürişmek.

**TOPBAKLATMAK** [topboklotmok], *işl.* Üýşürtmek, ýygnatmak, jemletmek.

**TOPBAKLAÝYŞ** [topbokloýuş], *iş ady.* Topbaklamak ýagdaýy.

**TOPBAK-TOPBAK** [topbok-topbok], *syp.* Birnäçe topbak, üýşmek-üýşmek bolup duran. *Topbak-topbak ýylgynlyk.*

**TOPBARMA** [topbormo], *iş ady.* Topbarmak ýagdaýy.

**TOPBARMAK** [topbormok], *işl.* Güberilip, tümmerip durmak, pökgermek. *Topbaryp duran ýaňak.*

**TOPBARMAKLYK** [topbormokluk], *iş ady.* Topbarmak ýagdaýy.

**TOPBARTMAK** [topbortmok], *işl.* Pökgertmek, gabartmak.

**TOPBARYŞMAK** [topboruşmok], *işl.* Köp zat, topbaryp durmak.

**TOPBAŞ**, *at.* **1**. Boýy pessejik çopantelpek ösümligi. **2**. Çiledäki çaga geýdirilýän başgap.

**TOPBY**, *at, gepl.d.* **1**. Aýallaryň kellelerine geýýän börügi. **2**. Üşemezlik üçin ýaş çagalaryň kellelerine geýdirilýän, pagta salnyp syralan gulakly başgaby.

**TOPÇY,** *at.* Top atyjy. *Topçular bölümi.*

**TOPÇYBAŞY** [topçuvaşy], *at.* Topçularyň ýolbaşçysy.

**TOPHANA** [topha:na], *at.* Ok-ýarag, top we ş.m. saklanýan ýer, saraý.

**TOPLAMA** [toplomo], *iş ady.* Toplamak ýagdaýy.

**TOPLAMAK** [toplomok], *işl.* Bir ýere üýşürmek, ýygnamak, jemlemek. *Sygyrlarymy toplap, ýüzümi oba tarap öwürdim.*

**TOPLAMAKLYK** [toplomokluk], *iş ady.* Toplamak ýagdaýy.

**TOPLANMAK** [toplonmok], *işl.* **1**. Ýygnanmak. *Gelnalyjy toplandy.* **2**. Ýygnalmak, bir ýere üýşürilmek. *Bir gujak ýüň toplandy.*

**TOPLANYLMAK** [toplonulmok], *işl., ser.* **Toplanmak**.

**TOPLANYŞMAK** [toplonuşmok], *işl.* Bilelikde toplanmak, köp bolup üýşmek. *Ýowara gatnaşjaklar toplanyşdylar.*

**TOPLAŞDYRMAK** [toploşdurmok], *işl.* Birnäçe zady toplap bolmak; bilelikde toplamak.

**TOPLAŞMAK** [toploşmok], *işl.* Ýygnaşmak, zatlary ýygnamaga kömekleşmek. *Edebi miraslary toplaşmak. Sürini toplaşmak.*

**TOPLATMAK** [toplotmok], *işl.* Üýşürtmek, ýygnatmak.

**TOPLAÝYŞ** [toploýuş], *iş ady.* Toplamak ýagdaýy.

**TOPLUM**, *at.* **1**. Üýşmeleň, topar. *Oglanlar toplumy bilen toýa ugradylar.* **2**. Bir kitaba girizilen çeper eserleriň ýa-da resminamalaryň ýygyndysy. *Ol öz goşgular toplumyny çap etdirdi.* **3**. Birnäçe bölekden ybarat; köp bölek. *Binalar toplumy.*

**TOPLUMGAÇAR** [toplumğaçar], *at.* El topy bilen oýnalýan oýun.

**TOPLUMLAÝYN** [toplumloýun], *hal.* Köp, birnäçe zatlary, toparlary, işleri we ş.m. öz içine alýan.

**TOPLUM-TOPLUM,** *syp.* Topar-topar, birnäçe toplum, üýşmek-üýşmek. *Oglan-uşak toplum-toplum bolup üýşerdiler.*

**TOPOGRAFIÝA** [topogyra:fyýa], *at.* Haýsydyr bir ýeriň geografik we geometrik elementlerini şekillendirmegiň usullaryny öwrenýän ylmy ugur.

**TOPOLOGIÝA** [topoloğyýa],*at.* Matematikanyň geometrik figuralaryň has umumy häsiýetlerini, alamatlaryny öwrenýän bölümi.

**TOPONIMIKA** [toponi:mika], *at.* Dil biliminiň geografik has atlary öwrenýän bölümi.

**TOPRAK** [topurok], *at.* **1**. Ýeriň üstki gatlagyny emele getirýän, hasyl berýän gum, topur. **2**. *göç.m.* Önüp-ösülen ýer, ýurt. *Bu topragyň her bir künji – meniň Watanym.* **3**. *dokm.* Halynyň, palasyň başlanýan we gutarýan ýerindäki eriş kakylýan ýer. *Men halynyň ýaňy topragyny kakdym.*

**TOPUK**, *at.* Aýagyň ökje bilen injik süňküniň birigýän ýerindäki iki tarapa tokgaryp çykyp duran süňk.

**TOPUKLYK** [topukluk], *at.* Topugyň ýerleşýän ýeri. *Meniň topuklygym agyrýar.*

**TOPULDYRMAK** [topullurmok], *işl.* Topulmaga mejbur etmek. *Çopan küşgürip itlerini topuldyrdy.*

**TOPULMA** [topulmo], *iş ady.* Topulmak ýagdaýy. *Onuň üstüne topulmaň näme?*

**TOPULMAK** [topulmok], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň üstüne okdurylmak, hüjüm etmek. *At salanda, doňuz kimin topulyp, Aýylaýyn asylyşy gerekdir* (Magtymguly).

**TOPULMAKLYK** [topulmokluk], *iş ady.* Topulmak ýagdaýy.

**TOPULMAZLYK** [topulmozluk], *iş ady.* Topulmak hereketini etmezlik.

**TOPULYBERMEK** [topuluvermek], *işl.* Topulyp başlamak. *It ýat adam görse topulyberýär.*

**TOPULYŞMAK** [topuluşmok], *işl.* Bile topulmak; biri-birine hüjüm etmek.

**TOPUR**, *at.* **1**. *ser.* **Toprak 1**. *Dogduk ýerimiň topuryny gözüme sürtdüm.* **2**. Topragyň toýun gatyşykly zire-zire bolup duran görnüşi, gum.

**TOR**, *at*. **1**. Balyk, guş we ş.m. tutmak üçin inçe ýüpden ownuk gözenek-gözenek edilip örülen enjam. **2**. Gawunyň daşyndaky çyzmyklar. **3**. Zat salmak üçin ýüpden we ş.m. taýýarlanýan gözenekli hojalyk esbaby. *Onuň bir elinde kartoşkadan, düýp sogandan, almadyr pomidordan, kelemden hyryn-dykyn bolan tory bardy* (B. Annageldiýew).

◊ **Tora düşmek (düşmezlik)** birini ýa-da bir zady hile gurup ele salmak. *Laçynam, düşdüm toruňa, Arap gardaş, aman-aman!* ("Görogly"). **Tora salmak** *ser.* **Tora düşmek**. *Gaç garry duşman ýanyndan, Tora salar al biläni* (Mätäji). **Tor gurmak** birini ele düşürmek üçin hile duzagyny gurmak. *Pelek bize egri bakyp, Tor gurupdyr daşymyza* (Magtymguly).

**TORAGAÇ** [torağaç], *at.* Tor dokalanda (örülende) onuň gözleriniň deň bolmagy üçin ulanylýan agaç gural.

**TORAŇŇY** [toroňňy], *at, ösüml.d.* Derýa ýakalarynda, ýap boýlarynda ösýän agaç. *Derýanyň iki ýan kenarynda mähnet toraňňylar ösüp otyrdy.*

**TORAŇŇYLYK** [toroňňuluk], *syp.* Toraňňynyň köp biten ýeri, toraňňy jeňňeli. *Olar toraňňylykda duşdular.*

**TORBA** [to:rvo] *at.* Içine dürli zat salmak üçin ulanylýan dokama ýa mata gap.

◊ **Torba sakgal** tegelenip duran uly sakgal. *Torba sakgal gojalar.*

**TORBALAMAK** [to:rvolomok], *işl.* Torba bilen almak, torbany dolduryp almak. *Torbalap käşir getirdim.*

**TORBALYK** [to:rvoluk], *syp.* Torba dokamak, tikmek üçin gerek bolan (ýüp, eriş we ş.m. zatlar).

**TORÇ I**, *at.* Balygyň arkasynda çykyşyp duran gyýyk süňkjagazlar.

**TORÇ II: torç bolmak** köp basgylanmak, depelenmek (ýer hakynda). **Torç etmek** köp depgilemek, basgylamak, depeşek etmek. *Depäniň üsti basgylanyp, torç edilipdi.*

**TORGAÝ** [torğoý], *at.* Serçeler maşgalasyndan bolan, reňki ýeriň reňkine meňzeş, petekesi we döşi, köplenç, menekli guş; mollatorgaý. *Uzakdan joşgun bilen saýraýan torgaýlaryň jüýp-jüýbi eşidilýärdi.*

**TORGAÝLAMAK** [torğoýlomok], *işl.* Iri-iri bolup ýagmak, petde-petde bolup tozgalap ýagmak (gar hakynda). *Gar torgaýlap ýagýardy.*

**TORGUŞ** [torğuş], *at.* Eldeki edilen ýabany aw guşy. *Oturşyň torguşa meňzär, Seniň gözleriň gözleriň* (Halk aýdymyndan). *Tutdurmaz sen, torguşum, beýewana çykar sen* (Kemine).

**TORLAMA** [torlomo], *iş ady.* Torlamak ýagdaýy.

**TORLAMAK** [torlomok], *işl.* **1**. Ýyrtygy, deşigi tor salyp tikmek, çatmak. *Ol horjunyň ýyrtylan ýerlerini mäkäm torlady.* **2**. Bir zadyň daşyny tikip, tor bilen örtmek. *Esgi pökgini torlamak.* **3**. Käbir bakja önümleriniň daşy tor çyzmyklar bilen örtülmek. *Bu gawun çalaja torlap ugrapdyr.*

**TORLAMAKLYK** [torlomokluk], *iş ady.* Torlamak ýagdaýy.

**TORLANMAK** [torlonmok], *işl.* Ýyrtygy, deşigi tor salnyp tikilmek; daşy tikilip tor bilen örtülmek. *Torlanan pökgi.*

**TORLAŞDYRMAK** [torloşdurmok], *işl.* Geýimiň, jorabyň, haltadyr ganaryň we ş.m. ýyrtyk, deşik ýerlerini tor salyp tikişdirmek.

**TORLAŞMAK** [torloşmok], *işl.* **1**. Torlamaga kömekleşmek. **2**. Bileleşip torlamak. *Ýüň joraplary torlaşyp oturmak.*

**TORLATDYRMAK** [torlotdurmok], *işl., ser.* **Torlatmak.**

**TORLATMAK** [torlotmok], *işl.* Torlamak işini başga birine etdirmek. *Ýyrtyk ganarlary torlatdyk.*

**TORLAÝYŞ** [torloýuş], *iş ady.* Torlamak ýagdaýy.

**TORLY**, *syp.* Ýüzi tor bilen örtülen (gawun hakynda). *Onýança sakçy eline bir torly gawun alyp, kümäniň içine girdi.*

**TORSARMA** [torsormo], *iş ady.* Torsarmak ýagdaýy.

**TORSARMAK** [torsormok], *işl.* Gaharlanyp, öýkeläp ýüz-gözüňi çytmak, ýüzüňi turşatmak, kineli görnüşe girmek. *Seniň bujagaz torsarmaň nämäniň alamaty?*

**TORSARMAKLYK** [torsormokluk], *iş ady.* Torsarmak ýagdaýy. *Torsarmaklyk saňa gelişmeýär.*

**TORSARMAZLYK** [torsormozluk], *iş ady.* Torsaryp durmazlyk.

**TORSARTMAK** [torsortmok], *işl.* Ýüz-gözüňi üýtgetmek, turşatmak, egşitmek. *Ol ýüzüni torsartdy.*

**TORSARYLMAK** [torsorulmok], *işl., ser.* **Torsarmak**. *Dostum, sen näme beýle torsarylýarsyň?*

**TORSARYLYŞMAK** [torsorluşmok], *işl.* Birnäçe ýa-da köp bolup torsorulmak.

**TORSARYŞ** [torsoruş], *iş ady.* Torsarmak ýagdaýy.

**TORSARYŞMAK** [torsoruşmok], *işl.* Birnäçe bolup torsarmak.

**TORSUK**, *at.* Tumşugy ak zolakly, gysga aýakly ýabany haýwan, sakartorsuk. *Agsak keýik müň torsuga ýetdirmez* (Nakyl).

◊ **Torsuk ýaly** etli-ganly, semizje (çaga hakynda).

**TORTEMEN**, *at.* Tor örmek (dokamak) üçin ulanylýan agaç gural.

**TORUM** [to:rum], *at.* Alty aýdan bir ýaş aralygyndaky uly köşek. *Men öňünden baraýyn, Gyz toýuny göreýin, Gapy tutan gonaga, Torum pulun bereýin* (Hüwdi).

**TOSAŇSYRAMAK** [tosoňsuromok], *işl.* Nägile bolup, gaharlanyp torsarylmak, tossaň-tossaň etmek. *Ol gaharlanyp tosaňsyrap gitdi.*

**TOSAŇSYRAŞMAK** [tosoňsuroşmok], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde tosaňsyramak.

**TOSAŇ-TOSAŇ** [tosoň-tosoň]: **tosaň-tosaň etmek** *ser.* **Tosaňsyramak**.

**TOSLAMA** [toslomo], **1**. *iş ady.* Toslamak ýagdaýy. *Töweregindäkiler onuň çyna berimsiz toslamasyny keýpiköklük bilen diňleýärdiler*

("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zat ýa biri hakynda oýlanyp tapylan ýalan gürrüň.

**TOSLAMAK** [toslomok], *işl.* Toslama, ýalan gürrüň tapmak, ýalan sözlemek, özüňden oýlap gep tapmak.

**TOSLAMAKLYK** [toslomokluk], *iş ady.* Toslamak ýagdaýy.

**TOSLANMAK** [toslonmok], *işl.* Toslama gürrüň tapylmak. *Toslanyp tapylan gürrüň.*

**TOSLAŞDYRMAK** [tosloşdurmok], *işl.* Birnäçe zady toslamak.

**TOSLATMAK** [toslotmok], *işl.* Ýalan gürrüň çykartmak.

**TOSLAÝYŞ** [tosloýuş], *iş ady.* Toslamak ýagdaýy.

**TOSUN**, *syp.* Iş görmedik, işe bişişmedik ýa-da köp wagtlap iş etmän, eli işden çykan. *Tosun pyýada basym ýadady.*

**TOSUNLYK** [tosunluk], *at.* Iş görmän, işe bişişmän ýa-da köp wagtdan bäri iş etmän, işden çykmaklyk ýagdaýy.

**TOŞAP** [toşop], *at.***1**. Üzüm, gawun, garpyz ýaly miwe hem bakja ekinlerinden suwy gaýnadylyp alynýan süýji, goýy önüm.

**TOŞAPLY** [toşoply], *syp.* Düzüminde toşap bolan, toşap goşulan. *Toşaply süýji.*

**TOT**, *at.* Howanyň ýüzüni gaplap alýan tozan, çaň.

**TOTAM** [totom], *at.* Öwlat hasaplanýan adamlaryň aýallarynyň hormat bilen tutulýan ady.

**TOTLANMA** [totlonmo], *iş ady.* Totlanmak ýagdaýy.

**TOTLANMAK** [totlonmok], *işl.* Tot bilen örtülmek, tot emele gelmek, tot basmak. *Gijara ýel turjak ýaly edip, howa totlandy.*

**TOTLY**, *syp.* Tot gaplap alan, gurşap alan. *Garşyda seleňläp duran dagyň başy hem totludy.*

**TOTUÝA** [to:tuýo], *at, k.d.* Sürme, göze sürtülýän daş (rowaýata görä, ol gözüň görgürligini artdyrýar). *Adamlaryň asly birdir, biri-birinden parhyýa, Biri başyň agyrydyr, biri gözge totuýa* (Nakyl). *Kylaý men hem ýüzün köňlüm zyýasy, Gadam topragyny göz totuýasy* (Sopy Allaýar). *Totuýa eýlesem gadam tozundan* (Kemine).

**TOTY** [to:ty], *at.***1**. Tropik ýurtlarda ýaşaýan we käbir aýdylan sözi gaýtalap bilýän dürli reňkli owadan tokaý guşy. *Toty, bilbil mesgen tutan, Howaly baglar görüner* (Magtymguly). *Toty kimin suhanwer, sözläp, şirin tile gel* (Kemine). **2**. Gyza dakylýan at.

**TOW**, *at.* **1**. Bir zady towlamak netijesinde salynýan burgy. *Ýüpüň towy.* **2**. Açar bilen towlanyp, pružiniň ýetirilýän iş ýagdaýy (ol sagady ýa-da şoňa meňzeş bir enjamy herekete getirmek üçin peýdalanylýar). *Tow berilýän oýunjak.* **3**. *göç.m.* Nägilelik, öýke. *Gep ara tow düşürmän saklamakda bolsa gerek.*

**TOWAKGA** [towokgo], *at.* Birinden edilýän haýyş. *Towakga etmek.*

**TOWAR** [towor], *syp.* **1**. Keýkerip duran. *Towar owlak.* **2**. Buýra-buýra, burum-burum. *Towar saçlyja gyz.* **3**. Gyza dakylýan at.

**TOWARMAK** [towormok], *işl., gepl.d.* Towly bolmak, buýralanmak.

**TOWARTMAK** [towortmok], *işl.* Towaryp duran görnüşe getirmek. *Ýaňyja boglan gulpagyny towardyp oturan gyzjagaz öz bilýän zadyny aýtdy.*

**TOWAR-TOWAR** [towor-towor], *syp.* Towary köp bolan (saç hakynda).

**TOWARYLMAK** [toworulmok], *işl., ser.* **Towarmak**.

**TOWAZZYG** [towozzy:ğ], *at, k.d.* Kiçi göwünlilik, özüňi kiçi tutmaklyk. *Tekepbire – tekepbir, lowazzyga – towazzyg* (Nakyl). *Mämmet han patyşanyň gaşyna baryp, tagzym we towazzyg bilen iki bükülip salam berdi* ("Saýatly - Hemra").

**TOWÇA** [towço], *at.***1**. Däridir seçmäniň üstünden peşeňe dykylýan keçe, mata we ş.m. zatlar. **2**. Gäminiň jaýryklaryna dykylýan ýagly esgi we ş.m. zatlar. *Gäminiň jaýryklary towça bilen dykyldy.***3**. Ýörite urgan üçin işilen ýüpüň bir dini, bir gaty.

**TOWHA** [towho], *at.* Aşygyň alçydan beýleki eşek münen tarapy.

◊ **Alçy mündürip, towha gopdurmak** birini oýnamak. *Gelin-gyzlar ony oýnap, alçy mündürip, towha gopdurýarlar* (A. Gowşudow).

**TOWHULDAMA** [towhullomo], *iş ady.* Towhuldamak ýagdaýy.

**TOWHULDAMAK** [towhullomok], *işl.* Towhulduly güňleç ses çykmak, güňleç seslenmek. *Tüpeňiň sesi towhuldap çykdy.*

**TOWHULDAMAKLYK** [towhullomokluk], *iş ady.* Towhuldamak ýagdaýy.

**TOWHULDAŞMAK** [towhulloşmok], *işl.* Köp zat towhuldamak. *Baýramçylyk agşamy tüpeň sesleri zarp bilen towhuldaşýardylar.*

**TOWHULDATDYRMAK** [towhullotdurmok], *işl., ser.* **Towhuldatmak**.

**TOWHULDATMAK** [towhullotmok], *işl.* Towhuldyly güňleç ses çykartmak, güňleç seslendirmek. *Ol towhuldadyp atyp goýberdi.*

**TOWHULDAÝYŞ** [towhulloýuş], *iş ady.* Towhuldamak ýagdaýy. *Toplar atylanda, olaryň towhuldaýşy daşdan eşidilýärdi.*

**TOWHULDY** [towhully], *at.* Tüpeň, top we ş.m. atylanda çykýan güňleç sesiň ady. *Towhuldy deränin içini ýaňlandyrdy.*

**TOWK**, *at, k.d.* Duzak, halka, bent, tor. *Towk salar al biläni* (Mätäji).

**TOWKY**, *at.* Başa düşen bela, sütem, jebir, garamat.

**TOWLABERMEK** [towla:vermek], *işl.* Towlap başlamak.

**TOWLAM** [towlom], *at.* Bir zadyň towlanan bölegi. *Bir towlam kak.*

**TOWLAMA** [towlomo], *iş ady.* Towlamak ýagdaýy.

**TOWLAMAK** [towlomok], *işl.* Tow bermek, işmek, burmak.

**TOWLAMAKLYK** [towlomokluk], *iş ady.* Towlamak ýagdaýy.

**TOWLAMAZLYK** [towlomozluk], *işl.* Towlamak işini amal etmezlik.

**TOWLAM-TOWLAM** [towlom-towlom], *syp.* Köp ýerine tow düşen, bulaşyk, burum-burum bolan. *Eşegiň aýagyna daňylýan ýüp towlam-towlam bolupdyr, açar ýaly däl.*

**TOWLANJYRAMAK** [towlonjuromok], *işl.* **1**. Agyry we ş.m. zerarly eýläk-beýläk buruljamak. *Balam janyna ýaranyp bilmän, towlanjyrap ýatyr* (B. Kerbabaýew). **2**. Näz-kereşme etmek. *Gyz towlanjyrap, ýüzüni aňryk öwürdi.* **3**. Nägilelik, närazylyk bildirmek.

**TOWLANMAK** [towlonmok], *işl.* **1**. Tow berilmek, burlan, işilen ýagdaýda bolmak. **2**. Agyry we ş.m. zerarly eýläk-beýläk burulmak, bükülmek. *Aňkar gyzardy, towlandy, "wah-wah-eý!" diýip, böwrüni tutdy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Nägilelik, närazylyk bildirilmek, boýun gaçyrmak. *Gelmändiň erkiňe özüň bu ýerik, Edersiň towlanman hyzmat içerik* (A. Kekilow).

**TOWLANYŞMAK** [towlonuşmok], *işl.* Burum-burum bolup durmak (köp zat hakynda). *Tapgyr-tapgyr ösýär bahar şemaly, Suwlar towlanyşyp, çasly akýardy* (N. Pomma).

**TOWLAŞDYRMAK** [towloşdurmok], *işl.* Tow berişdirmek, buruşdyrmak. *Gaşlaryny sypaşdyryp, murtlaryny towlaşdyrdy* (A. Durdyýew).

**TOWLULYK** [towluluk], *at.* **1**. Towy barlyk. **2**. *göç.m.* Närazylyk, öýkelilik; kinelilik.

**TOWLURAK** [towlura:k], *syp.* Az-kem towly.

**TOWLY**, *syp.* **1**. Tow berlen, towy bar bolan. *Üçünjisi – gözleri ýanyp duran, seňrigi tüňňi, murty towly, sakgaly çotga ýaly, reňki öçük, inedördül bir adamdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Öýkeli, närazy; kineli. *Biri-biriňe gaharly, towly gezip ýörmek gowy däl.*

**TOWSAKLAMA** [towsoklomo], *iş ady.* Towsaklamak ýagdaýy.

**TOWSAKLAMAK** [towsoklomok], *işl.* **1**. Duran ýeriňde gaýta-gaýta ýokaryk towusmak, bökjeklemek. **2**. Bökjekläp öňe hereket etmek, towsup-towsup gitmek. *Şol wagt on ýaşlarynda bir gyz towsaklap gelip, eýwanyň daş ýüzüne serhet çekýän agaja ýapyşdy* (B. Kerbabaýew).

**TOWSAKLAMAKLYK** [towsoklomokluk], *iş ady.* Towsaklamak ýagdaýy.

**TOWSAKLAMAZLYK** [towsoklomozluk], *iş ady.* Towsaklap hereket etmezlik.

**TOWSAKLAŞMAK** [towsokloşmok], *işl.* Köp bolup towsaklamak, köp bolup bökjekleşmek. *Biz "Aýak bişdi, wäk-wäk!" diýşip, towsaklaşardyk* (B. Gulow).

**TOWSAKLATMAK** [towsoklotmok], *işl.* Birini towsaklar ýaly etmek; bökdürmek, towusdyrmak.

**TOWSAKLAÝYŞ** [towsokloýuş], *iş ady.* Towsaklamak ýagdaýy. *Men owlak-guzujyklaryň towsaklaýşyny görüp, olara tomaşa edýärdim.*

**TOWSULMAK** [towsulmok], *işl.* Bir zadyň üstünden ýa-da bir zady aljak bolup ýokaryk bökülmek. *Täze öý tutulanda tuýnükden ýaglyk asylyp towsulmak adaty türkmende gadymdan bäri dowam edýär.*

**TOWSUŞMAK** [towsuşmok], *işl.* Köp bolup towusmak, böküşmek. *Şol gün obanyň çagalary öňküsinden hem ir ördüler: towsuşdylar, ylgaşdylar, kowalaşdylar* (H. Ysmaýylow).

**TOWŞAN** [towşon], *at.* **1**. Gemrijiler maşgalasyndan bolan, gulaklary uzyn, mymyk tüýli süýdemdiriji, ýabany haýwan. **2**. Müçe hasabynda dördünji ýylyň ady. **3**. Gyza dakylýan at.

◊ **Towşana dogduk depe** her kime öz doglan ýeri, önüp-ösen ýurdy eziz. **Towşana salaýmaly bolmak** gaty horlanmak, arryklamak, taza dönmek. **Towşan ýürek** gaty gorkak, sähel zada ziňkildäp duran.

**TOWŞANDODAK** [towşonno:dok], *at. ösüml.d.* Boýy 20-30 *sm* ýetýän köpýyllyk ýabany ot.

**TOWUK**, **1**. *at.* Ýumurtgasy, eti iýmit üçin peýdalanylýan, öýde saklanýan guşuň bir görnüşi. *Ak towuk, ala towuk, Daňdan gygyrýan towuk, Biz ýara näme diýdik, Ýar ýüzi bizden sowuk* (Monjugatdy). *Towuk ýedi hazynanyň biri* (Nakyl). *Ak towuk saman saçar, Öz aýbyny özi açar* (Nakyl). **2**. *ser.* **Takyk**.

◊ **Towugyna tok diýmezlik** birine ynjar ýaly, bähbidine zelel ýeter ýaly zat diýmezlik, edeniň däl diýmezlik, edenine doly mümkinçilik bermek. **Towuk basyrmak** jüýje çykartmak üçin kürk bolan towugyň aşagyna ýumurtga goýmak.

**TOWUKÇY**, *at.* Towuk saklaýan, idedýän adam.

**TOWUKÇYLYK** [towukçuluk], *at.* Oba hojalygynyň öý guşlaryny ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan pudagy. *Daýhan işi Aýjäjege asylam ýat däldi, onda-da towukçylyk* (T. Gurbanow).

**TOWUSDYRMAK** [towussurmok], *işl.* **1**. Towusmaga mejbur etmek; bökdürmek. *Çapyksuwar atyny päsgelçilikden towusdyryp geçdi.* **2**. Eliňde bökjekletmek. *Çagalaryny ellerine alyp, şapba-şapba ogşap, towusdyryp öýlerine tarap gitdiler* (A. Durdyýew).

**TOWUSMA** [towusmo], *iş ady.* Towusmak ýagdaýy.

**TOWUSMAK** [towusmok], *işl.* **1**. Bir ýerden ikinji bir ýere bökmek. *Söze salym ýok, ol adam howlynyň içine towsup düşdi* (A. Gowşudow). *Ol obanyň gyrasyna geleninden pyrgundan towsup düşdi-de, tüssäniň içinde gözden ýitdi* (H. Ysmaýylow). **2**. Duran ýeriňde bökmek. *Çagajyk enesini görende diriň-diriň towusdy.*

**TOWUSMAKLYK** [towusmokluk], *iş ady.* Towusmak ýagdaýy.

**TOWUŞ**, *at, k.d.* **1**. Ses, owaz. *Kim sen, janym menden habar sorar sen, Towuşyňny juda mazaly gördüm* (Andalyp). **2**. *göç.m.* Agy sesi.

**TOWZA** [towzo], *at.* Degirmende galla üwelende degirmençiniň alýan haky. *Kilwan dänäni çekende, Ýa-da towzasyn çykanda, Huşuny gaçyryp indi, Ýalňyşardy häli-şindi* (Ç. Aşyrow).

**TOÝ**, *at.* Biriniň ýa-da bir zadyň şanyna edilýän uly meýlis, şagalaň, dabaraly geçirilýän çäre. *Ogul toýy. Gelin toýy. Jaý toýy. Ýaş toýy.*

◊ **Toýa garramak ýok** toýuň gadyry gaçmaz, oňa soň görünseňem bolar. **Toýa gatnaşaly** *ser.* **Toýda duşuşaly. Toýdan soňra – tomaşa** etmeli wagty geçenden soň ediljek bolunýan iş, çäre hakynda aýdylýar. *Toýdan soňra – tomaşa, orakdan soňra – hoşa* (Nakyl). **Toýda duşuşaly 1)** toý ýerinde hoşlaşylanda aýdylýan arzuw. **2**) ýas ýerinde "indi şeýle ýerde duşuşmaly bolmasyn!" diýen manyda ulanylýan hoşniýetli arzuw. **Toýdan – topukça**" toýdan näme ýetse-de razy bolmaly, nägile bolmaly däl" diýen manydaky aňlatma. **Toýda tozsun** "mydama toýda geýip ýyrt, toýlara ýarasyn, toýda geý" diýen manydaky aňlatma. **Toý gatanjy** biri toý edende garyndaşlary, dost-ýarlary tarapyndan kömek hökmünde berilýän zat. **Toý gurmak 1**) toý etmek. **2**) şatlanyp meýlis etmek, şatlykly, şowhunly ýagdaýda oturyşmak. *Ýigitler meýlishanada toý gurýardylar.* **Toý paýy** toýda toýa gelenlere berilýän sowgat. **Toýuň başyny tutmak** toýy gurmak, toý edip ugramak. *Emma weli öz atаň toýuň başyn tutmasa, Beýle toýuň bir ýany kem bor eken, dostlarym* (K. Gurbannepesow). **Toý ýaglygy** toýa gelenlere içine toý paýy salnyp berilýän ýaglyk. **Toýuňda gaýtsyn!** "toýuňyza gatanç etmek bize-de miýesser etsin" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**TOÝ-BAÝRAM** [toý-vaýram], *at.* Baýramçylyk, şagalaňlyk. *Goç ýigide toýdur baýram, Her iş gelse il biläni* (Magtymguly). *Şu günler, hudaýa şükür, ýöne toý-baýram bolup dur.*

**TOÝÇULYK** [toýçuluk], *at.* **1**. Toý geçirilýän ýer. **2**. Toý-tomaşanyň köp geçirilýän wagty. *Geçen ýyl toýçulyk ýyly boldy.*

**TOÝÇY**, *at.* **1**. Toýa gatnaşýan adam. *Sagda-solda toýçy ýaly üýşüp duran ýigitler "Bök-de bök!" boluşdylar* (A. Gowşudow). **2**. Tomzagyň çagasy, owunjak, kiçijik tomzak. **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Toýçy ýaly** eýläk-de beýläk, gaýda-gaýmalaşyk (köp adam hakynda). *Agyr mähelle giň howlynyň içinde ýerleşmedik bolara çemeli, howlynyň dört töwereginde-de adamlar toýçy ýalydy* (A.Gowşudow).

**TOÝHANA** [toýha:na], *at.* **1**. Toý edilýän, toý geçirilýän ýer, jaý. *Toýhananyň oduny, Ýylgynmyşyn, ýar-ýar* (Toý aýdymyndan). **2**. At çapyşygynda: pellehana. *Gyrguş taýak basdyrym meýdan salyp, toýhananyň duşundan süýnüp geçdi* (A. Gowşudow).

**TOÝLAMA** [toýlomo], *iş ady.* Toýlamak ýagdaýy.

**TOÝLAMAK** [toýlomok], *işl.* **1**. Toý etmek, toý gurmak, toý geçirmek, toý bermek. *Biz täze ýylda täze jaýa göçüp baryp, goşa toýy toýladyk.* **2**. Kaýyl bolmak, şükür etmek. *Ol-a gowy eken. Oňa garanyňda biziň diýýän adamymyz toýlaýmaly.*

**TOÝLAMAKLYK** [toýlomokluk], *iş ady.* Toýlamak ýagdaýy. *Onuň toýuny gaýra goýman toýlamaklyk maslahat bilindi.*

**TOÝLAMAZLYK** [toýlomozluk], *iş ady.*. Toýy sowmazlyk; toý geçirmezlik.

**TOÝLANMAK** [toýlonmok], *işl.* Toý edilmek, geçirilmek. *Garaşsyzlyk toýy toýlanjak dabaraly güne uly taýýarlyk görülýär.*

**TOÝLUK**, *syp.* Toý üçin alnan, taýýarlanylan, niýetlenen zat.

◊ **Toýluk bolsun!** bu dileg ýaş, jaý, gelin toýy tutýan adama aýdylýar.

**TOÝLY**, *syp.* **1**. Mydama toý ýagdaýynda bolan. **2**. *göç.m.* Göwreli, göwresinde çaga bar bolan (aýal). *Gelniňiz hem, tüweleme, toýly eken!* **3**. Oglana dakylýan at.

**TOÝ-MEÝLIS**, *at.* Toý-baýram, baýramçylyk. *Toý-meýlis gezen bagşylar, Ýary gördüňmi, gördüňmi?* (Halk aýdymyndan).

**TOÝNAK** [toýnok], *at.* **1**. Käbir süýdemdiriji haýwanlaryň aýaklarynyň gutaran ýerindäki buýnuz gabyk. *At toýnagynyň dükürdisi.* **2**. *göç.m.* Aýak (nägile äheňde). *Öläýmesem, bu öýe olaryň toýnagy düşmez* (B. Pürliýew).

◊ **Toýnagy düşmezlik** bir ýere baryp bilmezlik, gatnaşyk etmezlik. **Toýnagyny gyrkmak** biriniň bir ýere gelmegini, barmagyny bes etdirmek. **Toýnak salmak** depmek. *Ýaby gulagyny gypyp, birden goşa toýnagy saldy-da ýazzyny berdi* (A. Durdyýew).

**TOÝNAKLY** [toýnokly], *syp.* Toýnagy bolan. *Agyzla gapdyrma, toýnakla depdirme* (Nika gyýlanda edilýän arzuw).

**TOÝNUK**, *at.* **1**. Esasan düýä, eşege odun ýüklenende, ýüpi aňsatlyk bilen daňar we çözer ýaly ulanylýan, ýüpüň ujuna dakylýan haçjaly agaç. *Ýüp syrygar, toýnukdan geçer* (Nakyl). **2**. Uly mallaryň buduna, goýun ýaly ownuk mallaryň gulagyna toýnuk görnüşinde basylýan tagmanyň bir görnüşi. – *Budunyň ýüzi toýnuk tagmaly üç ýaşar düýe gören-ä dälsiňiz? – diýip, menden sorady* (N. Geldiýew). **3**. Deriniň ýygyrtlaryny ýazmak üçin gural. *Deri toýnuk bilen işlenýär.* **4**. Aşak ujy tutar ýaly edilip kesilen haçja (çagalar onuň iki ujuna rezin dakyp ýaý edinýärler).

◊ **Durnam – toýnuk!** Ýazyň günleri durna sürüsi toýnuk şekilini emele getirip, ýokardan uçup geçende, köplenç, çagalar tarapyndan gygyrylyp aýdylýan aňlatma.

**TOÝ-TOMAŞA** [toý-tomoşo], *at.* Toý we tomaşa. *Toý-tomaşa, märeke ýok, meýlis ýok, Köňül arzuw eýlär, Watanym, seni* (Zelili).

**TOÝ-TOMGY** [toý-tomğy], *at, ser.* Toý we şoňa meňzeş üýşmeleňler. *Ol mamasynyň diş-dyrnak bolup, azap baryny siňdirip geýdiren bu egin-eşigini negada bir toýda-tomguda geýip çykarýardy* (A.Gowşudow).

**TOÝUN**, *at.* Topragyň ýelmeşegen özli görnüşi, şykgy. *Toýun palçyk.*

**TOÝUNSOW**, *syp.* Toýun garyndyly, toýun gatyşykly. *Toýunsow ýerler.*

**TOZ** [to:z], *at, ser.* **Tozan**. *At toýnagynyň tozy asmana galdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Toz gopdurmak** bir zat üçin goh-galmagal etmek, gykylyk etmek.

**TOZABERMEK** [to:za:vermek], *işl.* Tozap başlamak.

**TOZAGYÇ** [tozoğuç], *syp.* Tozap duragan, tozap pytragyç. *Çäge tozagyç bolýar.*

**TOZAMA** [tozomo], *iş ady.* Tozamak ýagdaýy.

**TOZAMAK** [tozomok], *işl.* Tozan turmak, ýel, şemal we ş.m. sebäpli çäge, gum syrap durmak, sowrulmak.

**TOZAMAKLYK** [tozomokluk], *iş ady.* Tozamak ýagdaýy.

**TOZAMAZLYK** [tozomozluk], *işl.* Tozap durmazlyk.

**TOZAN** [tozon], *at.* Topragyň, çägäniň, kirşeniň howadaky ýa-da her hili zatlaryň üstüne ýygnanýan owunjak bölejikleri, çaň, toz. *Buz üstünde tozan arama* (Nakyl). *Eý, geçi, aňyrrakdan ýöre, tozan edýärsiň* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Tozan turuzmak** alagalmagal etmek, goh, zenzele turuzmak.

**TOZANJYRAMAK** [tozonjuromok], *işl.* Az-owlak tozan turmak, wagtal-wagtal tozap durmak. *Tozanjyrap agşam düşdi, Hemişeki düşüşi dek* (Ç. Aşyrow).

**TOZANLAMAK** [tozonlomok], *işl.* **1**. Tozan turmak, tozanly ýel öwüsmek *Howa tozanlap dur.* **2**. Tozan, çaň basmak. *Sekiniň üstündäki keçe tozanlap ýatyr.* **3**. *gepl.d.* Çilim çekmek, tütetmek.

**TOZANLANDYRMAK** [tozonlonnurmok], *işl.* Gülüň tozgasyny birinden beýlekisine geçirmek. *Bal arylary güllere gonup, olary tozanlandyrýar.*

**TOZANLANDYRYLMAK** [tozonlonnurulmok], *işl.* Gül tozgajyklary beýleki ösümligiň gül tozgasy bilen çakyşdyrylmak. *On-on bäş gün gülleýän aýratyn tohum döretmeli, ol hem şu iki tohumyň tozanlandyrylmagyndan emele geljek* (A. Gowşudow).

**TOZANLANMAK** [tozonlonmok], *işl.* Gül tozgajyklary arkaly çakyşmak. *Erik gülleri tozanlanypdyr, gülleri dökülýär.*

**TOZANLATMAK** [tozonlotmok], *işl.* **1**. Gül tozgajyklaryny ýaýratmak, gül tozgajyklary arkaly çakyşdyrmak. **2**. Tozan etmek, tozan turuzmak, töwerege tozan ýaýratmak. *Ol maşynyny tozanladyp, tiz obadan çykdy* (G. Kulyýew).

**TOZANLAÝYŞ** [tozonloýuş], *iş ady.* Tozanlamak ýagdaýy.

**TOZANLY** [tozonly], *syp.* Tozan basan, tozany köp. *Tozanly ýol.*

**TOZAŞMAK** [tozoşmok], *işl.* Köp zat tozamak, ýerli-ýerden tozamak.

**TOZATDYRMAK** [tozotdurmok], *işl., ser.* **Tozatmak**.

**TOZATMAK** [tozotmok], *işl.* **1**. Tozan turuzmak, howany çäge, gum bilen örtmek. **2**. *gepl.d.* Bolmajak zady aýdyp goýbermek. *Ba-a! Sen nireleri baryp tozatdyň?* (B. Kerbabaýew).

**TOZAÝYŞ** [tozoýuş], *iş ady.* Tozamak ýagdaýy.

**TOZDURMAK** [tozzurmok], *işl.* **1**. Biriniň öýüni, malyny, emlägini zorluk bilen almak, talamak, emläksiz, mal-mülksüz goýmak, dargatmak, batyrmak. **2**. *göç.m.* Geýip köneltmek, geýip ýyrtmak, dargatmak. – *Bar, inim, nesip etsin, toýda tozdur* – *diýdi* (H. Derýaýew).

**TOZDURYLMAK** [tozzurulmok], *işl.* Dargadylmak, talanmak. *Bu oba ozal faşistler tarapyndan tozdurylypdyr* (A. Gowşudow).

**TOZGA** [tozğo], *at, gepl.d.* **1**. Tozgalaýan ösümlikleriň tozgalygynda ýerleşýän köp mukdardaky göze görünmeýän erkeklik jyns öýjükleri. *Eglişip oturan gamyşlaryň tozgasy suwa degäýjek-degäýjek bolýardy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Boýy 20-30 *sm* ýetýän köpýyllyk ýabany süýtleňňijiň ýeliň ugruna uçup gidýän tohumly übtügi. **3**. Bir zadyň ýeňiljek tozaýan übtügi. *Gar tozgasyn sepeläp, Ýanwar aýymyz geldi* (K. Gurbannepesow).

**TOZGALAMA** [tozğolomo], *iş ady.* Tozgalamak ýagdaýy.

**TOZGALAMAK** [tozğolomok], *işl.* **1**. Tozgasy tozap uçmak, tozgasy şemala göterilip ýaýramak. **2**. Şemal bilen garyşyp ýagmak (gar hakynda). *Gar tozgalamaga başlady.*

**TOZGALAMAKLYK** [tozğolomokluk], *iş ady.* Tozgalamak ýagdaýy.

**TOZGALANMAK** [tozğolonmok], *işl.* Gül tozgajyklar arkaly çakyşmak.

**TOZGALAŞMAK** [tozğoloşmok], *işl.* Köp zat tozgalap başlamak. *Toraňňyň tozgasy tozgalaşyp, ýerden asmana göterilýärdi.*

**TOZGALATMAK** [tozğolotmok], *işl.* Tozgasyny dargatmak, tozgany töwerek-daşa ýaýratmak.

**TOZGALAÝYŞ** [tozğoloýuş], *iş ady.* Tozgalamak ýagdaýy, hereketi. *Akbaşyň tozgalaýşyny gördüm, edil gar ýagýan ýaly.*

**TOZGUNÇYLYK** [tozğunçuluk] **1**, *at.* Dargap gidijilik, deregi ýitijilik, tozup gitmeklik.

**TOZMA** [tozmo], *iş ady.* Tozmak ýagdaýy.

**TOZMAK** [tozmok], *işl.* **1**. Emläksiz, hiç zatsyz galmak, dargamak, söwdada batmak. **2**. *göç.m.* Geýlip ýyrtylmak, dargamak. *Akyllynyň aty armaz, dony tozmaz* (Nakyl). **3**. Weýran bolmak, dargap ýok bolup gitmek.

**TOZMAKLYK** [tozmokluk], *iş ady.* Tozmak ýagdaýy.

**TOZMAZLYK** [tozmozluk], *iş ady.* Tozmak katdyna ýetmezlik.

**TOZ-TOPUR** [to:z-topur], *at.* Topragyň, çägäniň we ş.m. zatlaryň garyntgyly ownugy. *Gurak meýdandan getirilen toz-topur göýä ümür-duman ýaly dünýäniň dört töweregini halkalaýyn gabap alypdy* (A. Gowşudow).

**TOZUŞ**, *iş ady.* Tozmak ýagdaýy.

**TÖHMET** [töhmöt] *at.* Birini masgaralamak üçin aýdylýan ýalan zat, ýalan gep tutaryk edinilip ýöňkelýän myjabat, garalyk, aýyp. *Ot belasyndan, suw belasyndan, töhmet belasyndan hudaýyň özi gorasyn!* (Dileg).

**TÖHMETÇI** [töhmötçü], *at.* Töhmet atýan, myjabat edýän, aýyp ýöňkeýän adam.

**TÖHMETÇILIK** [töhmötçülük], *at.* Töhmet edijilik, myjabat atyjylyk, aýyp ýöňkeýjilik.

**TÖK**, *at.* Tohumsyz (adam).

**TÖLEG** [tölöğ], *at.* Bir zada berilýän hak, tölenýän pul.

◊ **Töleg haty** belli bir mukdardaky pul kesgitlenen möhletde tölenenligi üçin berilýän resmi hat.

**TÖLEME** [tölömö], *iş ady.* Tölemek ýagdaýy.

**TÖLEMEK** [tölömök], *işl.* Satyn alan zadyň ýerine pul bermek; kireý hakyny, beýleki tölegleri we ş.m. pul bilen üzmek.

**TÖLEMEKLIK** [tölömöklük], *iş ady.* Tölemek ýagdaýy.

**TÖLENMEK** [tölönmök], *işl.* Satyn alnan zadyň ýerine pul berilmek; kireý haky; beýleki tölegler we ş.m. pul bilen üzülmek.

**TÖLEŞDIRMEK** [tölöşdürmök], *işl.* Bir ýan ujundan töläp çykmak.

**TÖLEŞMEK** [tölöşmök], *işl.* **1**. Tölemäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe adam bolup tölemek.

**TÖLETDIRMEK** [tölötdürmök], *işl., ser.* **Töletmek**.

**TÖLETMEK** [tölötmök], *işl.* Tölemek işini başga birine etdirmek.

**TÖLEÝIŞ** [tölöýüş], *iş ady.* Tölemek ýagdaýy.

**TÖŇŇE** [töňňö], *at.* **1**. Agajyň kesilen, çapylan bölegi. *Üzüm töňňesi. Öl töňňe. Gury töňňe.* **2**. *göç.m.* Gaty garry adam. *Bar günä şu köne töňňedemikä diýýän* (B. Pürliýew).

**TÖŇÜRTGE** [töňürtgö], *at.* Guran töňňe, çakrap giden töňňe. *Maýagözel gazanyň aşagyndaky tutaşyp duran töňürtgeleri kakyşdyryp, ody ulaltmaga başlady* (N. Pomma).

**TÖŇÜRTGELIK** [töňürtgölük], *syp.* Töňürtgäniň köp ýeri. *Şol töwerek kä ýeri töňürtgelik, çendan ýeri, düýp-düýp çoganlyk, küpürsäp ýatan boz meýdandy* (B. Kerbabaýew).

**TÖP I**, *at.* Bir zadyň suwy, şiresi sykylyp alnandan soň galýan galyndysy.

**TÖP II**, *at,* Zagara balyklar maşgalasyndan bolan ýasy bedenli süýji balyk.

**TÖR** [tö:r], *at.* Öýüň düýp tarapy, öýüň hatyraly, hormatly hasaplanýan ýeri. *Otur geç, oglan, töre, Meniň-de halym sora* (Läleden). *Gelin oda çaý goýdy, Anna-da töre geçdi* (A. Alamyşow).

**TÖRE** [törö], *at.* **1**. Abraýly, uly derejeli, atly adam. *Beg, töre, aksakgal ýurduň eýesi, Küren tutar gözel ili türkmeniň* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

**TÖRELIK** [törölük], *at.* Töräniň derejesi, ýagdaýy.

**TÖRPI** [törpü], *at.* Agaç ýylmanýan, timarlanýan iri dişli ýasy ige. *Elimize igedir törpi, çekiçdir isgene ýaly zatlary tutdurdylar* (R. Gelenow).

**TÖRPÜLEME** [törpülömö], *iş ady.* Törpülemek ýagdaýy.

**TÖRPÜLEMEK** [törpülömök], *işl.* **1**. Törpi bilen ýylmamak, ýonmak. *Piliň, pyçagyň we* ş.m. *sapyny törpüläp ýylmamak.* **2**. *göç.m.* Käbir gowşak ýazylan edebi ýa-da saz eserleriniň ol ýerini, bu ýerini düzedip, timarlamak, düzetmek. *Kem-käs ýerini törpüleseň, saz ganat açarmykan diýýän* ("Edebiýat we sungat").

**TÖRPÜLEMEZLIK** [törpülömözlük], *iş ady.* Törpi bilen ýylmamazlyk, ýonmazlyk.

**TÖRPÜLENMEK** [törpülönmök], *işl.* Törpi bilen ýylmanmak, ýonulmak. *Pil sapy törpülendi.*

**TÖRPÜLEŞDIRMEK** [törpülöşdürmök], *işl.* Törpi bilen ýylmaşdyrmak, ýonuşdyrmak. *Ol pil saplaryny törpüleşdirip goýdy.*

**TÖRPÜLEŞMEK** [törpülöşmök], *işl.* **1**. Törpülemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde törpülemek. *Ussalar täze pil sapylaryny törpüleşip otyrlar*.

**TÖRPÜLETMEK** [törpülötmökj, *işl.* Törpülemek işini başga birine etdirmek.

**TÖRPÜLEÝIŞ** [törpülöýüş], *iş ady.* Törpülemek ýagdaýy.

**TÖRPÜLÄBERMEK** [törpülä:vermek], *işl.* Törpüläp başlamak.

**TÖTEK** [tötök], *at.* Jöwen unundan bişirilen çörek, zagara. *Uruş ýyllary jöwen unundan tegelejik tötek bişirilerdi.*

**TÖTEKLIK** [tötöklük], *syp.* Tötek etmäge niýetlenen, gerek bolan (jöwen uny).

**TÖTÄNDEN** [tötä:nnen], *hal.* Garaşylmaýan ýagdaýda, ýörite däl, birden. *Günleriň bir gününde tötänden gördüm seni* (A. Kekilow).

**TÖTÄNLEÝIN** [tötä:nleýin], *hal.* Garaşylmadyk ýagdaýda, duýdansyz bolan. *Bu iş geçen ýyl tötänleýin bolupdy.*

**TÖTÄNLIK** [tötä:nlik], *at.* Tötänleýin ýagdaý.

**TÖWEKGEL** [töwökgöl], *at.* Hudaýa bil baglap, näme bolsa şol bolsun diýip, soňunyň näme bilen gutarjagyna garaman hereket edýän; soňy gowulyk bilen gutarar diýen umyt bilen çekinmän hereket edýän adam. *Namart bilen uzak ýola gitmegil, Baş goşawer bir töwekgel mert bilen* (Magtymguly). *Ol towekgel adamdy.*

**TÖWEKGELLIK** [töwökgöllük], *at.* Töwekgel adama mahsus bolan gylyk-häsiýet, töwekgelçilik.

**TÖWEKGELÇILIK** [töwökgölçülük], *at, ser.* **Töwekgellik**.

**TÖWELLA** [töwölla:], *at.* Birine eýle bolma, beýle etme diýip, köşeşdirmek maksady bilen ýüz tutulyp edilýän haýyş. *Töwella etdi delmuryp, Rehm etmedim bagrym erip* (Mollanepes).

**TÖWELLAÇY** [töwölla:çy], *at.* Töwella edýän adam, töwella ediji.

**TÖWEREK** [töwörök], *at.* **1**. Her bir nokady merkezden deň daşlykda birleşýän bitewi aýlaw çyzyk, tegelek. *Töwerek boýunça deňölçegli hereket fizikanyň kanunydyr.* **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň daşyny gurşap alan giňişlik, ýakynyndaky ýerler. *Töwerekde dabara, şatlyk höküm sürýär.* **3**. Ýakyn dost-ýar, dogan-garyndaş. *Ol öz töweregini ýygnap, üýşmeleň etdi.* **4**. Çen, takmyn, çemesi. *Bu oturanlaryň ikinjisiniň kyrkyň töweregi ýaşy bardy* (A. Gowşudow).

**TÖWEREKLEÝIN** [töwöröklöýün], *hal.* Hemme taraplaýyn, ähli ugurlar boýunça, giňden. *Her bir işi ýerine ýetirjek bolanyňda töwerekleýin pikir etmeli.*

**TÖWIR** [töwüýr], *at, ser.* **Töwwir.**

**TÖWWIR** [töwwüýr], *at.* Nahar iýlenden soň, naharyň hormatyna, hudaýyň adyna okalýan doga. *Nahar iýildi, töwwir galdyryldy.*

◊ **Töwwirini galdyraýmaly bolmak** *gepl.d.* bolar öýden zadyň bolmajagyna göz ýetirip, ondan rişdäňi üzen wagtyňda aýdylýar.

**TÖWRA** [töwra:]: **bir töwra** özboluşly, üýtgeşik häsiýetli, bir hili gylykly. *Annaly aga bir töwra adamdy* (T. Gurbanow).

**TÖWRAT** [töwra:t], *at.* Ýahudylaryň keramatly dini kitaby. *Töwratny Musaga aýan getirdi* (Magrupy).

**TÖZ** [tö:z], *at.* Gulagyň arka ýüzündäki ýumralyp duran ýer, ýumry.

**TÖZERMEK** [tö:zörmök], *işl., ser.* **Tözlemek**.

**TÖZLEME** [tö:zlömö], *iş ady.* Tözlemek ýagdaýy.

**TÖZLEMEK** [tö:zlömök], *işl.* **1**. Ýumralmak. **2**. Çala çişip durmak.

**TÖZLEMEKLIK** [tö:zlömöklik], *iş ady.* Tözlemek ýagdaýy.

**TÖZLENMEK** [tö:zlönmök], *işl.* **1**. Ýumralyp durmak. *On üç bilen on dört ýaşyň arasy, Tözlenip galyşar gyz mämeleri* (Kemine). **2**. Çala çiş görnüşinde bolmak.

**TÖZLEŞMEK** [tö:zlöşmök], *işl.* Ýumralyşmak, ýumralyp başlamak.

**TRAGEDIÝA** [tyrağe:diýa:], *at, edeb.* Dartgynly göreşi, garşylykly güýçleriň çendenaşa ýiti çaknyşygyny suratlandyrýan we adatça gahrymanyň heläk bolmagy bilen gutarýan drama eseri *Klassyky tragediýa.*

**TRAKTOR** [tyra:ktyr], *at.* Ýer sürlende we beýleki oba hojalyk işlerinde ulanylýan kuwwatly maşyn.

**TRANSKRIPSIÝA** [tyranskiri:psiýa], *at*, *dil.b.* Bir dildäki sözleriň aýdylyşyny harplaryň, kabul edilen ýörite belgileriň kömegi bilen görkezmeklik.

**TRENAŽÝOR** [tirenažýo:r], *at.* Türgenleşik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak we adam bedenini fiziki taýdan terbiýelemek ýa-da zerur bolan endikleri ele almak maksady bilen amatly şertleri döretmek üçin niýetlenen sport enjamy. *Şonuň üçin hem Türkmenistanda täze çagalar baglarynyň we bilim berýän edaralaryň taslamalary hökmany suratda häzirki zaman trenažýorlary bilen üpjün edilen sport zallaryny, basketbol we woleýbol meýdançalaryny, tennis kortlaryny, basseýnleri öz içine alýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz).

**TRIBUNA** [tiribu:na], *at.* **1**. Köpçüligiň öňünde çykyş etmek üçin münber. **2**. Stadionlarda, meýdanlarda tomaşaçylar we harby paradlary kabul edýän, demonstrasiýalary gutlaýan adamlar üçin biri beýlekisinden beýikde ýerleşýän oturgyçly hatarlardan durýan desga.

**TRILLION** [tirilýo:n], *san.* 1 000 000 000 000 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Müň milliarda barabar san bir trillion bolýar.*

**TROLLEÝBUS** [tyralle:ýbus], *at.* Elektrik togy arkaly hereket edýän awtobus görnüşli ulag, maşyn.

**TROPIK** [turo:pik], *at.* **1**. Ekwatordan Demirgazyk hem-de Gunorta tarapa 23° 27' uzaklykda ýerleşýän we ekwatora parallel bolan iki sany hyýaly tegelek. **2**. Şol hyýaly tegelegiň we ekwatoryň aralygyndaky ýerler.

**TROPIKI** [turo:piki], *syp.* Tropiklere degişli. *Tropiki yssy. Tropiki guşaklyk. Tropiki siklon.*

**TUG** [tu:ğ], *at.* Baýdak.

**TUGRA** [tuğro], *at.* **1**. *kön.s.* Nyşan, belgi. **2**. Döwletiň tapawutlandyryş nyşany.

**TUGUN** [tu:ğun], *at.* Aw etmek üçin ulanylýan elguşuň bir görnüşi. *Garga salsaň, tugun bile depişer* (Magtymguly).

**TUGÝAN** [tuğýa:n]: **tugýan etmek** joşmak, gozgalaň tapmak, baş bermezlik. *Takat gerek her gep gelip geçmäge, Köňül tugýan eder göwher seçmäge* (Allaguly Allahy).

**TUKAT** [tuka:t], *syp.* Gaýgyly, gamly, keýpsiz, gamgyn. *Men hiç wagt tukat bolmaryn, munuň gepe çeperliginden, dilewarlygyndan hem öwrenerin* (B. Kerbabaýew).

**TUKATLANDYRMAK** [tuka:tlannyrmak], *işl.* Gaýgylandyrmak, gaýgy-hasrata batyrmak, keýpini gaçyrmak.

**TUKATLANMAK** [tuka:tlanmak], *işl.* Gaýgyly bolmak, gaýga batmak, gam çekmek, gamlanmak.

**TUKATLYK** [tuka:tlyk], *at.* Tukat halda bolmaklyk, gaýgylylyk, gamlylyk. *Daş-töwerek dym-dyrslyk bolup, dünýäni tukatlyk basan ýalydy* (A. Gowşudow).

**TULA** [tulo], *at.* **1**. Ganjyk güjük. **2**. Ýoldan çykan aýal. *Ýagşy hezzet ýaman tula ýaraşmaz* (Nakyl).

**TULKULDAMAK** [tulkullomok], *işl.* Bir zadyň içindäki suwuklyk çaýkanyp ses etmek, julkuldamak, tulkuldyly ses çykmak.

**TULKULDATMAK** [tulkullotmok], *işl.* Bir zadyň içindäki suwuklygy çaýkap seslendirmek, julkuldatmak. *Ol suwly meşigi tulkuldadyp, arkasyna aldy.*

**TULKULDY** [tulkully], *at.* Bir zadyň içindäki suwuklyk çaýkananda çykýan sesiň ady. *Içi düşen garpyzyň tulkuldysy.*

**TULLAMAK** [tullomok], *işl., gepl.d.* Oklamak, zyňmak (*ser*. **Tyllamak**). *Hany bir çilim tulla.*

**TULLANMAK** [tullonmok], *işl., gepl.d.* Oklanmak, zyňylmak. *Aş goreň de, özüň atma tullanyp, Gerçe aç hem bolsaň, halka bellenip* (Magtymguly).

**TULLUK**, *at.* Hamdan, deriden edilýän suw gaby. *Ol tullugy suwdan doldurdy.*

**TULPAR** [tulpor], *at.* Gylýalyň tokgaja, kiçi müçeli tohumy. *Aty köp baksaň tulpar bolar* (Nakyl).

◊ **Tulpar ýaly** tokgaja, etli-ganly. *Agzy ganjaryp duran bu tulpar ýaly gyza Işanyň göwni ýetdi* (S. Myradow).

**TULPARMAK** [tulpormok], *işl.* Tokgaja we posalajyk görnüşde bolmak, pökgerip durmak. *Onuň orta boýy, tulparyp duran alma ýaňaklary bardy* (A. Gowşudow).

**TULPARYŞMAK** [tulporuşmok], *işl.* Tokgaryşyp durmak, pökgerişip görünmek. *Endamlary tüýli, sary behiler, güýz gyrawyny ýeňillik bilen başlaryndan geçirjekdiklerini habar berýän ýaly tulparyşyp durlar* (B. Kerbabaýew).

**TULTUK**, *syp.* **1**. Içi düşüp ýumşan. *Tultuk garpyz.* **2**. Teniň, bedeniň kadaly ýagdaýy gidip gowşan (adam hakynda). *Tultuk bolmak.*

**TULUM**, *at.* **1**. Suwuk zatlary saklamak üçin tüýi ütülen geçi derisinden taýýarlanylan suw gaby, meşik. **2**. *gepl.d.* Gopbam, ulumsy, özüni ilden ýokary saýýan, taky-tulum. *Tulum adam.*

**TULUŇ**, *at.* **1**. Göz bilen gulak arasy, duluk. **2**. Atyň kellesine geýdirilýän uýandaky bir halka.

**TUMAK** [tuma:k], *syp.* Ulumsy, gopbamsy, özüni hondanbärsi saýýan. *Tumak oglan.*

**TUMAR** [tumor], *at.* **1**. *zergärç.* Aýal-gyzlaryň dakynýan bezeg şaýy. *Gyrmyzy bag, kümüş tumar, Tylladan heýkelli saçyň* (Mätäji). *Ol düwünçegini çözüp, içinden uly tumaryny çykardy-da, ortada goýdy* (H. Ysmaýylow). **2**. Gyza dakylýan at.

**TUMARÇA** [tumorço], *at.* Tumara meňzeş kiçiräjik bezeg şaýy, kiçijik tumar.

**TUMARGÜL** [tumorğül], *at.* Haly-palasa, keçä salynýan nagyş, gül.

**TUMAÝAK** [tu:maýak], *at.* Maşgalasyz-zatsyz galan biçäre.

**TUMŞUK**, *at.* **1**. Haýwan kellesiniň agyz, burun ýerleşýän bölegi. *Möjek dost, ýaňy men tumşugymy asmana tutup gördüm weli, asmandaky aýa gözüm düşäýdi* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Ýüz (adamyň ýüzi hakynda).

◊ **Tümşugyňy ýokary tutmak** özüňi hondanbärsi saýmak, özüňi ulumsy tutmak.

**TUNISLI** [tuni:sli], *syp., ser.***Tunisliler**.

**TUNISLILER** [tuni:sliler], Tunisiň ýerli arap halky.

**TUPAN** [tupa:n], *at.* Güýçli ýel, harasat, gaý. *Eşek-de döz gelmän beýle tupana, Aýak aldygyna çapdy şol ýana* (A. Kekilow).

**TURAÇ** [tura:ç], *at.* **1**. Käkilige meňzeş aw guşy. *Tokaýlaryň turajy, akar suwuň balygy* (Mätäji). *Guş salsaň, käkilik, turaç awlanar, Peleňdir, gaplaňdyr, şirdir bu daglar* (Misgingylyç). **2**. Gyza dakylýan at.

**TURAP** [tura:p], *at, k.d.* **1**. Gum, toprak. *Ahyry barçasy boldular turap, Bir medet kyl jümle-jahan haky üçin!* ("Melike – Dilaram"). **2**. Oglana dakylýan at.

**TURBA** [turvo], *at.* Suw, suwuklyk, gaz, bug we ş.m. akdyrmak, geçirmek üçin niýetlenilen dürli ölçegdäki, galyňlykdaky içi deşik uzyn metaldan we beýleki materiallardan ýasalýan enjam.

**TURMA** [turmo], *iş ady.* Turmak ýagdaýy.

**TURMAK** [turmok], *işl.***1**. Oturan, ýatan ýeriňden dik galmak, aýak üstüne galmak. **2**. Ukudan oýanmak, ukudan oýanyp, ýeriňden galmak. *Hemmelerden ir turup, çagalaryň çaý-suwuny berişdirmeli we mekdebe ugratmaly.* **3**. Herekete gelip başlamak, döremek, ýüze çykmak. *Birden tozan turdy.*

**TURMAKLYK** [turmokluk], *iş ady.* Turmak ýagdaýy.

**TURMAZLYK** [turmozluk], *iş ady.* Turmak hereketi amal edilmezlik.

**TURP**, *at.* **1**. Uly, süýri ýaprakly ekin. **2**. Şol ekiniň düýbi şugundyr ýaly ululykdaky ak, gyzyl, gara reňkli iýilýän hasyly.

**TURPA** [turpo], *syp., kön.s., ser.* **Türpe**. *Neçün olasen gamgyn, bir turpa jenan sen-sen* (Mollanepes). *Men şu gün waspyňny aýdaý turpa nyşanly bedew* (Mätäji).

**TURPÇA** [turupço], *at.* **1**. Ýaşyl tegelek ýaprakly gök ekin, redisge. **2**. Şol ekiniň düýbi hoz ýaly togalak ýa-da käşir ýaly süýnmek iýilýän hasyly.

**TURŞAMA** [turşomo], *iş ady.* Turşamak ýagdaýy.

**TURŞAMAK** [turşomok], *işl.* **1**. Ajap, turşy bolmak, ajama ýagdaýyna geçip başlamak. **2**. Asyl bolşuňdan erbetlige üýtgemek. *Sen öňki süýtlügiňe galjakmy, gönezligiň ýetip uýajakmy ýa-da öteräk düşüp turşajakmy?* (B. Kerbabaýew).

**TURŞAMAKLYK** [turşomokluk], *iş ady.* Turşamak ýagdaýy.

**TURŞAMAZLYK** [turşomozluk], *iş ady.* Turşy halyna geçmezlik.

**TURŞAŞMAK** [turşoşmok], *işl.* Ýaňy turşap başlamak, kem-kemden turşap başlamak. *Basyrylan gatyklar turşaşypdyr.*

**TURŞATMAK** [turşotmok], *işl.* **1**. Turşy etmek, ajatmak. *Kelem, pomidor ýaly gök önümler gyş möwsümi üçin turşatmak, duzlamak arkaly saklanýar.* **2**. Ýüz-gözüňi çytmak, egşitmek.

**TURŞAÝYŞ** [turşoýuş], *iş ady.* Turşamak ýagdaýy.

**TURŞUJA** [turşujo], *at, ösüml.d.* Uzyn ýasyja ýaprakly, turşy tagamly iýilýän ot.

**TURŞULYK** [turşuluk], *at.* **1**. Turşy häsiýetlilik, turşy tagamlylyk. **2**. Turşulyk derejesi.

**TURŞUMTYK** [turşumtuk], *syp.* Turşy kakýan, çalarak turşy tagamly.

**TURŞY**, *syp.* Çalyň, gatygyň ýa-da çigräk miwäniňki ýaly özboluşly ýiti tagam. *Turşy çal.*

**TURULMAK** [turulmok], *işl.* Oturan, ýatan ýeriňden dik galynmak, aýak üstüne galynmak. **2**. Ukudan oýanyp, ýeriňden galmak, örmek. *Belki, bu ýerde giç turulsa-da turulýandyr* (N. Saryhanow).

**TURUNÇ**, *at.* Pyrtykala meňzeş turşy miwe. *Biziň bagyň alma, nary, turunjy, Jan Hemrahym, siziň ilde näler bar?* ("Saýatly – Hemra").

**TURUŞMAK** [turuşmok], *işl.***1**. Ýuwaş-ýuwaşdan dik durmak, aýak üstüne galmak. **2**. Birnäçe adam, haýwan bir wagtda örmek, turmak. *Obadan getirilen itler hem ysyrganyşyp, ýerinden turuşdylar* (A. Gowşudow).

**TURUWBAŞDAN** [turuwvaşdan / turuwwaşdan], *hal.* Ilkibaşdan, ilki, ozaly bilen. *Biziň*

*gürrüňimiz turuwbaşdan alşyp gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**TURUZMAK** [turuzmok], *işl.* **1**. Oturan, ýatan ýerinden dik galdyrmak, dikeltmek, dik duruzmak. **2**. Ýatan adamy ukudan oýarmak. **3**. *göç.m.* Bolmasy zada, mysal üçin, dawa, jenjele başlamak. *Gykylyk turuzmak.*

**TUSSAG** [tussoğ], *at.* Gorag astynda, aýratyn şertlerde saklanylýan, azatlykdan, erkinlikden, raýatlyk hukuklaryndan kesilen adam.

**TUSSAGHANA** [tussoğha:na], *at, ser.* **Türme**.

**TUSSAGLYK** [tussoğluk], *at.* Tussagda bolmaklyk, azatlykdan mahrumlyk.

**TUT** [tu:t], *at.* Ýasy ýapragy ýüpek gurçugyna berilýän, tudana miweli, şahalary ýaýbaň, agajy gaty köpýyllyk ösümlik. *Şundan bir aý ozal, tut kesilýän günleridi* (A. Gowşudow).

◊ **Tut ýaly bolmak** sagalmak, sagadyňa çykmak. *Inerim, örän ýagşy, şu gün edil tut ýaly sagaldym* (A. Gowşudow).

**TUTAÇ** [tutoç], *at.* **1**. Esasan, gyzgyn gazan, tabak we ş.m. zatlary tutmak, götermek üçin ulanylýan keçe bölegi, esgi we ş.m. zatlar. *Ol tutaç almaga hem howlugyp, ýeňi bilen tutdy-da, tüňçäni derrew yza çekdi* (N. Pomma). **2**. *ser.* **Tutawaç**. *Tutajy bir eýýäm gopan portfeli, başyndaky şlýapasy iki ýana zyňyldy* (B. Kerbabaýew).

**TUTAKLAMA** [tutoklomo], *iş ady.* Tutaklamak ýagdaýy.

**TUTAKLAMAK** [tutoklomok], *işl.* Ýapyşyp, tutup barmak, tutup ýöremek, tutup saklamak. *Nökerler bagşyny tutaklap düşürdiler* (N. Saryhanow).

**TUTAKLAMAKLYK** [tutoklomokluk], *iş ady.* Tutaklamak ýagdaýy.

**TUTAKLANMAK** [tutoklonmok], *işl.* Tutaklap saklanylmak, tutaklap ýöredilmek. *Onuň içinden tutaklanyp çykaryldy* (N. Saryhanow).

**TUTAKLAŞMAK** [tutokloşmok], *işl.* Biri-biriň bilen tutluşmak, biri-biriňe ýapyşmak, biri-biriň bilen tutluşyp durmak. *Garly hasyrdap ýerinden turdy we it bilen tutaklaşyp, urşup duran Myrady gördi* (A. Gowşudow).

**TUTAKLATMAK** [tutoklotmok], *işl.* Birine tutduryp ýöremek. *Garry aýal özüni ýaş oglana tutakladyp, ýoldan geçdi.*

**TUTAKLAÝYŞ** [tutokloýuş], *iş ady.* Tutaklamak ýagdaýy.

**TUTALGA** [tutolğo], *at.* **1**. *ser.* **Tutawaç**. *Basgançaklaryň tutalgasy.* **2**. *göç.m.* Salgylanyp boljak esas, bahana bolup biljek delil, tutaryk. *Seniň tutalgaňa hormat goýýanlary üçin, meseläni gyssanmaç çözmelidiler* (B. Kerbabaýew).

**TUTAM** [tutom], *at.* Ýüp, taýak, örüm saç we ş.m. zatlar gysymlanyp tutulanda dört barmagyň inini tutýan ýerine deň ölçeg birligi. *Bir tutam ýüp ýetmese, ýigidiň özünden* (Nakyl).

◊ **Bir tutam** *gepl.d.* çala, çalaja; gysga, gysgajyk (uzynlyk hem wagt taýyndan). *Gün ýerden bir tutam ýokary galypdyr. Gyşyň güni bit tutam bolýar.*

**TUTANÝERLI** [tutonýerli], *syp.* Tutan maksadynda, bir diýen sözünde berk durýan, erjel.

**TUTANÝERLILIK** [tutonýerlilik], *at.* Tutanýerli bolmaklyk, erjellik. *Ýaşlaryň gaýratyna, gujuryna, tutanýerliligine sen näme näbeletmi?* (B. Kerbabaýew).

**TUTAR** [tutor], *at, ser.* **Tutawaç**. *Gapynyň tutaryny onuň elinden sypdyrdy* (Ö. Abdyllaýew).

**TUTARYK** [tuta:ryk], *at.* Delil. *Sadabyň şübhelenmäge tutarygy ýok däldi* (G. Kulyýew).

**TUTARYKLY** [tuta:rykly], *syp.* Tutarygy, tutalgasy bar bolan, delilli.

**TUTARYKSYZ** [tuta:ryksyz], *syp.* Tutarygy, bolmadyk, tutarygy ýok, delilsiz. *Tutaryksyz gürrüňden birnäçe gezek agzy bişipdi* (A. Durdyýew).

**TUTARYKSYZLYK** [tuta:ryksyzlyk], *syp.* Tutarygy ýokluk, delilsizlik.

**TUTAŞDYRLYK** [tutoşduýrluk], *at.* Ot tutaşdyrmak üçin gerek bolan ownuk gury agaç, kagyz, çöpleme we ş.m. zatlar. *Öl ýandagyň aşagyna Tutaşdyrlyk dykyşdyrdym* (K. Gurbannepesow).

**TUTAŞDYRMAK** [tutoşdurmok], *işl.* **1**. Ody kem-kemden ýakyp güýçlendirmek, ýakyp başlamak. *Derrew muny tutaşdyryp ot ediň!* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Agzalalyk döretmek, agzalalyga öjükdirmek, ony güýçlendirmek.

**TUTAŞDYRTMAK** [tutoşdurtmok], *işl.* Tutaşdyrmagy birine etdirmek.

**TUTAŞDYRYJY** [tutoşdurujy], *at.* Bir zadyň başlanmagyna, bolmagyna meçew beriji, başyny başlaýjy, ot beriji.

**TUTAŞMA** [tutoşmo], *iş ady.* Tutaşmak ýagdaýy.

**TUTAŞMAK** [tutoşmok], *işl.* **1**. Ot kem-kemden ýanyp ugramak. *Onýança ojakdaky tütäp duran odun hem tutaşdy* (B. Seýtäkow). **2**. Has güýjemek. *Bularyň dawalarynyň nämeden başlap, nähili tutaşandygynyň anygyna ýetdim* (N. Pomma).

**TUTAŞMAKLYK** [tutoşmokluk], *iş ady.* Tutaşmak ýagdaýy.

**TUTAWAÇ** [tutowa:ç], *at.* Bir enjamyň, guralyň el bilen tutar ýaly ýeri, tutgujy, tutalgasy, tutary. *Azalyň oky ýerinde bolsa-da, tutawajy çykypdyr, demri poslapdyr* (B. Kerbabaýew).

**TUTAÝ** [tutoý], *at, gepl.d.* Tutawaç. *Ol bir sagynjak ýaly etdi-de, tutaýa elini ýetirdi* ("Edebiýat we sungat").

**TUTÇULYK** [tu:tçuluk], *at.* **1**. *ser.* **Tutluk**. *Ejegyzyň her elinde bir bedre, tutçulykdan bärik saýlanandan, Merede bakyp ýylgyryp, bir yşarat etdi* (A. Durdyýew). **2**. Oba hojalygyň tut agaçlaryny ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan pudagy.

**TUTDA-BAS** [tutdo-vas], *hal.* Başagaý, aljyraňňy, howsalaly gaýda-gaýmalaşykly ýagdaý. *Tutda-bas bolşup ýörmek.*

**TUTDA-BASLYK** [tutdo-vaslyk], *at.* Howsalaly gaýda-gaýmalaşyk ýagdaýda bolmaklyk. *Siz bu tutda-baslygyňyzy goýup, agzybir ýaşamajak*

*bolsaňyz, Tyllagözel-de gapyňyzdan garamaz* ("Edebiýat we sungat").

**TUTDURMAK** [tutdurmok], *işl.* **1**. Bir zady el bilen saklatmak, el bilen tutduryp saklatmak. *Bir elde iki garpyz tutdurmaz* (Nakyl). **2**. Ele saldyrmak, ele düşürtmek, gabatmak, türmä saldyrmak. **3**. Bir tarapa çaltlyk bilen ylgap gitmek, ökje götermek, ýüzüň ugruna gitmek.

**TUTGUNLYK** [tutgunluk], *at.* Çekinjeň, tutuk halda bolmaklyk.

**TUTHA-TUT** [tutha:-tut], *hal.* Köpçülikleýin tussag etme, basa-bas. *Tutha-tut gowy zadyň üstünden eltmeýär.*

**TUTHA-TUTLUK** [tutha:-tutluk], *at.* Köpçülikleýin tutmaklyk, köpçülikleýin azatlykdan mahrum etmeklik. *Otuz ýedinji, otuz sekizinji ýyl tutha-tutluk ýyllary bolupdyr.*

**TUTLUK** [tu:tluk], *syp.* Tut agajynyň köp biten ýeri, köp ekilen meýdany.

**TUTLUŞMAK** [tutluşmok], *işl.* **1**. Göreşmek üçin biri-biriňi oňaýly tutmak. *Tutluşanda iki pälwan, Märeke Çaryýara bakýar* (Ç. Aşyrow). **2**. *göç.m.* Biri bilen garpyşmak.

**TUTLUŞYK** [tutluşuk], *at.* **1**. Göreşmek üçin biri-biriňi oňaýly tutmaklyk. **2**. *göç.m.* Biri-biriň bilen garpyşmaklyk.

**TUTMA** [tutmo], *iş ady.* Tutmak ýagdaýy.

**TUTMAK** [tutmok], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady el bilen saklamak, ýapyşmak. *Elinden tutmak.* **2**. Ele salmak, ele düşürmek. *Balyk tutmak.* **3**. Eýelemek, örtmek, ýaýramak. *Onuň bütin kellesini baş tutupdyr.* **4**. Bir zadyň ugruny başga tarapa öwürmek, gönükdirmek. *Öý eýesi çyrany içki öýe tutdy.* **5**. Birini hakyna, kireýine işletmek. *Men çoluk tutup, ertesi guma ugradym.* **6**. Tussag etmek, azatlykdan mahrum etmek. **7**. Bina etmek, gurmak, salmak, dikeltmek. **8**. Bir zadyň ýüzüne, öňüne nämedir bir zat germemek, asmak. *Penjirä tuty tutmak.* **9**. Çenemek, gönülemek, gezemek. *Sapançasynyň nilini çekgesine tutdy.* **10**. Dolmak, eýelemek, ýaýramak. *Şowhunly sesler giň meýdany tutdy.* **11**. Orun almak, bir ýerde ornaşmak, ýerleşmek, ýaşamak. *Akylly är mesgen tutmaz, hulky söýülmegen ýerde* (Magtymguly). *Ol bu işinde düýp tutdy.* **12**. Biri-biri bilen birleşmek, sepleşmek, ýelmeşmek. *Ýelim tutmak.* **13**. *k.d.* Hasap etmek, hasaplamak, saýmak. *Tut owwal dostuňy süýt, iste – gaýmak* (Sopy Allaýar). **14**. Goýalmak, uýamak; gatamak, doňmak (suwuk zat hakynda). *Gatyk tutupdyr. Derýa bu ýyl ir tutdy.* **15**. Kabul etmek, dogry tapmak, ulanmak. **16**. Iýen zadyň agyr düşüp, süňňüň gaty gowşamak. *Meni nahar tutdumy, nämemi, gözüm ukudan açylanok.*

◊ **Tutan guşy, bogan sübsesi bolmazlyk** belli bir bitiren işi, käri bolmazlyk. *Olar ýaly adamyň tutan guşy, bogan sübsesi bolmaz.* **Adyny (ismini) tutmak** biriniň adyny aýtmak, adyny agzamak. *Mätaji diýr, okyp ismiň tutaly, Ýogsa äşgär ola bilmez dillere* (Mätäji). *Indiden beýläk meniň adymy tutma!* **Gul tutmak** ogul çaga dünýä inmek, ogluň bolmak. – *Kaka, gutlap bilersiň, gul tutduk. –Ýaşy uzyn bolsun!* **Işiň başyny tutmak** bir zat üçin taýýarlyk görmek. **Ýerini tutmak** ornuny eýelemek, edýän işini alyp barmak. *Gämide meniň ýerimi tutjak adam bar.*

**TUTMAKLYK** [tutmokluk], *iş ady.* Tutmak ýagdaýy.

**TUTMAZLYK** [tutmozluk], *iş ady.* Tutmak işini amal etmezlik.

◊ **Gulagyny tutmazlyk** diňlemezlik, gulak salmazlyk. *Ilim-günüm, ýakyn özel gardaşym, Nije zar eýlesem, gulagyn tutmaz* (Magtymguly).

**TUTUBERMEK** [tutuvermek], *işl.* Tutup ugramak, tutmaga başlamak.

**TUTUK**, *syp.* **1**. Açyk, dury däl, bulaşyk, gamaşyk, totly, bulutly. *Gün tutuk howanyň içinde çym-gyzyl gyzaryp görünýärdi.* **2**. *göç.m.* Ýüzi salyk görnüşli, tukat, gaýgyly, gamgyn. *Ol öňküsi ýaly tutuk we tukat däl-de, şadyýandy.* **3**. *kön.s.* Biçilen, agta.

**TUTUKLANMAK** [tutuklonmok], *işl., gepl.d., ser.* **Tukatlanmak**. *Gyzyň ýüzi tutuklandy.*

**TUTUKLYK** [tutukluk], *at.* **1**. Açyk, dury dällik, bulaşyklyk, totlulyk, bulutlylyk (howa hakynda). **2**. Ýüzi salyklyk, gaýgylylyk, gamlylyk, tukatlyk. *Näsagda kämahal tutuklyk we tukatlyk peýda bolýardy.*

**TUTUKSY**, *syp., ser.* **Tutuk**. *Ol tutuksy gürledi.*

**TUTULMAK** [tutulmok], *işl.* **1**. El bilen saklanmak. **2**. Ele salynmak; azatlykdan mahrum edilmek. **3**. Gurulmak, salynmak. *Demir ýoluň boýunda bir wagtky iki-üç sany daşdan tutulan tam bardy.***4**. Öňi örtülmek, baglanmak.

**TUTUM**, *at.* **1**. Bir zada görülýän taýýarlyk, bir zat üçin edilýän alada. **2**. Sygym, göwrüm.

**TUTUNMAK** [tutunmok], *işl.* **1**. Özüň üçin tutmak, öz hajatlaryň üçin bir işi amala aşyrmak. **2**. *gepl.d.* Haýyş bilen ýüz tutmak. *Gowusy, işiň biterini isleýän bolsaň, özüň tutunanyňdan gowusy ýokdur.*

**TUTUŞ**, **1**. *iş ady.* Tutmak ýagdaýy. **2**. Bitin, bitewiligi bozulmadyk. *Görseler, bir goýnuň tutuş guýrugy ýatyr eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. Doly, tegelek, bütin. *Ondan bäri tutuş on iki ýyl geçdi.* **4**. Daýaw, daýanykly. *"Men!" diýip, tutuş bir adam ýerinden galdy.* **5**. Uçdantutma, birgiden.

**TUTUŞLAÝYN** [tutuşloýun], *hal.* Tutuş görnüşde, bitewilikde, baryny birden, tutuşlygyna, lomaý.Onuşsak, harydyňy tutuşlaýyn almakçy.

**TUTUŞLYGYNA** [tutuşluğno], *hal.* Tutuş görnüşinde, bitewiligine, baryny. *Ol bendi tutuşlygyna okady.*

**TUTUŞLYK** [tutuşluk], *at.* Bölek-bölek dällik, bitewilik, aýry-aýry dällik.

**TUTUŞMAK** [tutuşmok], *işl.* **1**. Tutmaga kömekleşmek. *Sarç goýunlary tutuşmasaňyz bolmaz.* **2**. Bilelikde tutmak. **3**. Biri-biriň bilen tutluşmak, uruşmak. *Her haçan bu meniň bilen tutuşjak adamyň işidir* ("Görogly").

**TUTY**, *at.* Bir zadyň öňüne tutulýan mata, perde. *Tutynyň bir çeti göterildi. Gapa tuty tutmak. Penjirä tuty tutmak.*

**TUWAK** [tuwok], *at.* **1**. Ýaňy bolan çaganyň ýüzündäki, daşyndaky perde. **2**. Adam ady.

◊ **Ýüz tuwagy** ýüzüň nury, şöhlesi. *Dag içiniň gowagy, Kakasy döwer döwegi, Gijeler tagat çeksem, Sen ýüzümiň tuwagy* (Hüwdi). **Ýüz tuwagy edinmek** birini gowy adam, gowy işgär we ş.m. hökmünde öňe tutmak, sizden kim bar diýlende, pylany bar diýip, şony görkezmek.*Onuň ýüz tuwagy ediňýäni ýeke sendiň.*

**TUWULGA** [tuwulğo], *at, harb.* Gadym döwürde urşujylaryň kellelerine geýen depesi çüri demir telpegi. *Duşman görse çykar syýasat bile, Tuwulga, çaraýna, boz sowut bile* (Zelili).

**TUÝUG** [tuýu:ğ], *at.* Türkmen şygyr sungatynyň gadymy goşgy düzüliş görnüşi.

**TÜÇJAR** [tüçja:r / tütja:r], *syp.* Maly, zady örän köp bolan, mal-mülki çenden aşa köp, baý, döwletli. *Hatarlanyp, duran iner-maýalar, Agyr bezirgenler, tüçjar eýeler* (Magtymguly). *Tüçjar baý.*

**TÜF**, *üml.* **1**. Tüýkürilende agyzdan çykýan ses. *Ol ýüzüni bir ýana sowdy-da "tüf" edip tüýkürdi.* **2**. *göç.m.* Gepleýän adamyň birine ýa-da bir zada ýigrençli garaýşyny aňladýan söz. *Ol: "Tüf, seniň ýüzüňe!" diýip gaharlandy.*

**TÜFDAN** [tüfda:n], *at.* Içine tüýkürmek üçin gap.

**TÜFLEMEK** [tüflömök], *işl.* Agzyndaky zady ýa-da tüýküligini tüýkürip goýbermek, tüf etmek.

**TÜF-TÜF**, *üml.* "Göz degmesin!" diýen manyda bir-iki gaýta tüýküliksiz çüflemek. *Tüf, tüf! Ýigit kemi ýok, göz degmesin.*

**TÜKEDILMEK** [tüködülmök], *işl.* Bir zat gutarylmak, hiç zat galdyrmazlyk.

**TÜKEDIŞDIRMEK** [tüködüşdürmök], *işl.* Baryny tüketmek, hemmesini gutarmak.

**TÜKEL** [tüköl] **I**. *çal.* Ähli, bütinleý, giden, bary, hemmesi. *Şägirtleri tükel ýaş-ýeleň oglanlardy.*

**TÜKEL** [tüköl] **II**, *hal.* San, mukdar taýdan doly, hemmesi ýerbe-ýer, ýerli-ýerinde. *Başy sagyň maly tükel* (Nakyl). *Hemmäňiziň sanyňyz tükelmi? – diýip, ýaşuly sorady* (A.Gowşudow). *Beýemçisiz tünegine, Başy tükel öýden geldi* (Ç. Aşyrow).

**TÜKELLEME** [tüköllömö], *iş ady.* Tükellemek ýagdaýy.

**TÜKELLEMEK** [tüköllömök], *işl.* **1**. Gözden geçirmek, hasaplap görmek, barlamak. *Bu gün säher mahaly Görogly ýigitlerini tükellese, Mätel bilen Köse ýok* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Tamam etmek, gutarmak. *Ol etmeli işleriň agramyny tükelläp, myhmanlaryň ýanyna baryp oturdy.*

**TÜKELLENMEK** [tüköllönmök], *işl.* Barlanmak, gözden geçirilmek. *Sürüdäki mallar tükellenende, sany dogry çykdy.*

**TÜKELLEŞMEK** [tüköllöşmök], *işl.* Bilelikde tükellemek, barlaşmak. *Ol howlukman mallary tükelleşdi.*

**TÜKELLETMEK** [tüköllötmök], *işl.* Tükellemegi birine etdirmek.

**TÜKELLEÝIŞ** [tüköllöýüş], *iş ady.* **1**. Tükellemek ýagdaýy. **2**. Kärhananyň, edaranyň ähli emläginiň anyk we giňişleýin sanaw ýazgysyny düzmeklik. *Tükelleýiş işlerini geçirmek.*

**TÜKELLIK** [tüköllük], *at.* San, mukdar taýdan ýerbe-ýer bolmaklyk.

**TÜKENIKSIZ** [tükönüksüz], *syp.* Örän köp, sany-sajagy ýok, ummasyz, egsilmez.

**TÜKENIŞ** [tükönüş], *iş ady.* Tükenmek ýagdaýy.

**TÜKENME** [tükönmö], *iş ady.* Tükenmek ýagdaýy.

**TÜKENMEK** [tükönmök], *işl.* Hemmesi gutarmak.

**TÜKENMEKLIK** [tükönmöklük], *iş ady.* Tükenmek ýagdaýy.

**TÜKENMEZ** [tükönmöz], *syp., ser.* Tükeniksiz. *Tükenmez hazynam bolandan, uýalmaz ýüzüm bolsun* (Nakyl). *Tükenmez derde ýanyp, bu janym kebap boldy* (Çary Afzal).

**TÜKETDIRMEK** [tükötdürmök], *işl.* Tükedip bilmek, gutartmak. *Gawuny şunça satdyrsagam, agşama çenli tüketdirip bilmedik.*

**TÜKETMEK** [tükötmök], *işl.* **1**. Tükenmek derejesine ýetirmek. *Ol bedäni mallara berip tüketdi.* **2**. Soňlamak, gutarmak, dowam etdirmän kesmek. *Bolgusyz gürrüňiňi tüketsene.*

**TÜKEZZYBAN** [tüközzyva:n]: **tükezzybanyna tutmak** gutarmaz, tükeniksiz gürrüňe başlamak.

**TÜKGE** [tükgö], *at.* Aşygyň jikge tarapynyň ýeňsesi, arkasy, aşygyň pökgerip duran tarapy, dükge.

◊ **Tükge (dükge) düşmek** aýaklaryňy ýygnap, ýüzüňi aşak edip tüňňerip ýatmak. *Garry ortarada tükge düşüp aglady.*

**TÜKGERILMEK** [tükgörülmök], *işl.* **1**. Tükge düşürilmek. **2**. *göç.m.* Ok degmek zerarly ölmek, tüňňermek.

**TÜKGERMEK** [tükgörmök], *işl.* **1**. Tükge düşmek, aýaklaryňy ýygnap, ýüzüňi aşak edip ýatmak. *Ol ukusy gelip, düşeginde tükgeripdir.* **2**. *göç.m.* Agyr kesel ýa-da başga bir sebäp bilen agdarylyp ýykylyp galmak, ölüp galmak.

**TÜKGERTMEK** [tükgörtmök], *işl.* **1**. Tükge düşürtmek. **2**. *göç.m.* Atyp öldürmek.

**TÜLLÜK**, *at, gepl.d.* Bir zadyň mesgeni, jümmüşi, üýşen ýeri, köp ýeri.

**TÜM I**, *at.* **1**. Gözedürtme garaňky. *Tüm garaňky.* **2**. Goranmak üçin ýeriň aşagyndan gurlan buky. *Ýeriň aşagynda tümler gurlupdyr.*

**TÜM II**, *at.* Gum içinde gyr bilen alaňyň arasynda ýatan giden giň meýdan. *Gözledim, görmedim tümleri, düzi* (Mätäji).

**TÜM III**, *at, kön.s.* Dikligine gazylan çuň çukuryň gapdaly köwlüp gurulýan jaý. *Ol tümi ýerdöle şekilinde, agzyndan bir adam girip biler ýaly edip aşak gazypdyr-da, ony hem bir gapdala hüňüpdir* (A. Gowşudow).

**TÜMEN** [tümön], *at, kön.s.* **1**. Hümmeti on gyrana barabar pul birligi. *Balykçy müň tümenlik düýş görse, balygyna ýorar* (Nakyl). *Adam bar, müň tümen iýdirseň azdyr* (Magtymguly). **2**. *harb., taryh* On müň esgerden ybarat goşun bölümi.

**TÜMENBEGI** [tümönmeği], *at, taryh.* On müň esgerden ybarat goşunyň serkerdesi.

**TÜMENLIK** [tümönlük], *syp.* Bahasy tümene barabar bolan. *Müň tümenlik hatyramy bir deremge satmagyn* (Mollanepes).

**TÜMLÜK**, *at.* Gözedürtme garaňkylyk.

**TÜMMEK** [tümmök], *at.* Üýşmek gum we ş.m. görnüşindäki beýiklik. *Tümmegiň aňyrsyna aýlanmak.*

◊ **Köne tümmekler** geçmişden galan guburlar; keramatly adamlaryň guburlary (adam kyn güne düşende "Köne tümmekler, ýetişiň" diýip aýdýar).

**TÜMMEKLEME** [tümmöklömö], *iş ady.* Tümmekleme ýagdaýy.

**TÜMMEKLEMEK** [tümmöklömök], *işl.* **1**. Gum, ders we ş.m. zatlary üýşürip tümmek etmek. *Mal ýataklarynyň derslerini tümmekläp üýşürmek.* **2**. Bir zady gaty doldurmak, agzyna çenli doldurmak. *Ýag küýzeden kiçiräk jamy ýagdan tümmekläp, onuň eline tutdurdy.*

**TÜMMEKLEMEZLIK** [tümmöklömözlük], *iş ady.* Tümmek etmezlik.

**TÜMMEKLENMEK** [tümmöklönmök], *işl.* Tümmek edilip üýşürilmek.

**TÜMMEKLEŞMEK** [tümmöklöşmök], *işl.* **1**. Tümmek etmäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup tümmeklemek.

**TÜMMEKLETDIRMEK** [tümmöklötdürmök], *işl., ser.* **Tümmekletmek**. *Sürüji maşyny çägeden tümmekletdirdi.*

**TÜMMEKLETMEK** [tümmöklötmök], *işl.* Tümmeklemek işini başga birine etdirmek, tummek etdirmek, üýşürtmek.

**TÜMMEKLEÝIŞ** [tümmöklöýüş], *iş ady.* Tümmeklemek ýagdaýy.

**TÜMMERILMEK** [tümmörülmök], *işl., ser.* **Tümmermek**.

**TÜMMERIŞMEK** [tümmörüşmök], *işl.* Birnäçe zat galyp durmak. *Tümmerişip görünýän örküçler.*

**TÜMMERME** [tümmörmö], *iş ady.* Tümmermek ýagdaýy.

**TÜMMERMEK** [tümmörmök], *işl.* Pökgerip galyp durmak, tümmi bolup durmak, gübermek.

**TÜMMERMEZLIK** [tümmörmözlük], *iş ady.* Tümmi görnüşe gelmezlik, tümmerip durmazlyk.

**TÜMMI** [tümmü], *at.* **1**. *ser.* **Tümmek**. **2**. *syp.* Pökgerip, galyp duran, güberip duran.

**TÜMMÜL**, *at.* **1**. Däneleri doluşyp, ýaňy bişip başlan baş (däneli ekinler hakynda). *Tümmül bolup oturan bugdaý.* **2**. Heniz doly gowrulman, şorsuw bolan (et hakynda). *Et tümmül bolupdyr, iýibermeli.*

**TÜN**, *at, kön.s.* Tüm, garaňkylyk, gije. *Mest bolup ýatyrdym ukuda bir tün* ("Gül – Senubur"). *Bir gije ýatyrdym tünüň ýarynda, Bir dört atly gelip: – "Turgul" diýdiler* (Magtymguly).

**TÜNEK** [tünök], *at,gepl.d.* Ýaşaýyş jaýy, öý. *Beýemçisiz tünegine, Başy tükel öýden geldi* (Ç. Aşyrow).

**TÜNEKE** [tünökö], *at.* Ýasy ýuka demir.

**TÜNT**, *syp., gepl.d.* Hiç zada düşünmeýän, kellesi işlemeýän, zehinsiz, kütek, tüntaw. *Düşbümikäň öýdýädim weli, sen-ä bir barypýatan tünt ekeniň.*

**TÜNTAW** [tünta:w], *syp.,gepl.d., ser.* **Tünt**. *Onuň ýüzüne sereden iň bir tüntaw adam hem şonuň nämedigini aňlap biljekdi.*

**TÜNTAWLYK** [tünta:wlyk], *at, gepl.d., ser.* **Tüntlük**.

**TÜNTLÜK**, *at, gepl.d.* Tüntüň gylyk-häsiýeti.

**TÜŇ**, *at.* Bokurdagynyň gapdaly uly tutarly, tüňçe görnüşli suw we süýt daşalýan hem-de guýulýan uly mis gap.

**TÜŇÇE** [tüňçö], *at.* Çaý gaýnadylýan jüründiksiz, gulply gap. *Gojanyň kömekçisi diwaryň düýbünde duran tüňçäni alyp, çaý gaýnatmak bilen boldy* (A. Gowşudow).

**TÜŇŇELE** [tüňňölö], *at.* Gazlar maşgalasyndan bolan garny ak, arkasy gara bolan deňiz ördegi.

**TÜŇŇERILIŞMEK** [tüňňörlüşmök], *işl.* Köp zat tüňňerilmek. *Balyklaryň arkalary tüňňerilişip göründi.*

**TÜŇŇERILMEK** [tüňňörülmök], *işl.* Tüňňerip oturmak.

**TÜŇŇERME** [tüňňörmö], *iş ady.* Tüňňermek ýagdaýy.

**TÜŇŇERMEK** [tüňňörmök], *işl.* **1**. Tüňňi bolmak, güberip durmak, galyp durmak. *Onuň birýan kebzesi tüňňerip durdy.* **2**. *göç.m.* Kineli ýüz öwrüp ýörmek, öýkelemek. *Näme beýle tüňňerilýärsiň?* **3**. *göç.m.* Ölüp galmak, ölmek.

**TÜŇŇERTMEK** [tüňňörtmök], *işl.* **1**. Tüňňi etmek, tümmertmek, gübertmek. *Ýeňsesini tüňňerdip, agyzdyrygyny çeýneýän dor at toýnaklary bilen ýer peşedi.* **2**. *göç.m.* Atyp öldürmek.

**TÜŇŇI** [tüňňü], *syp.* Tüňňerip duran, güberip, galyp duran. *Tüňňimaňlaý.*

**TÜŇŇÜLIK** [tüňňülük], *at.* Tüňňi halda bolmaklyk.

**TÜŇŇÜMAŇLAÝ**, *syp.* **1**. Maňlaýy tüňňerip duran. **2**. *at.* Maňlaýy güberçekläp duran uly ak balyk.

**TÜŇŇÜR**, *at.* Suwuklyk guýmak üçin demir gap. *Suwly tüňňür.*

**TÜP: tüpyssy** örän yssy, çydar ýaly däl, gaty yssy. *Günortanyň tüp yssysy.*

**TÜPBOZAN** [tüpbozon], *at.* Adamlaryň arasyny bozýan, bozgak adam. *Tüpbozan köpeldi, ýurt-bina tozdy, Dogan, dost bir-birin ütüp başlady* (Magtymguly).

**TÜPEŇ** [tüpöň], *at.* Ok, seçme atýan uzyn nilli ot açýan ýarag.

**TÜPEŇLEME** [tüpöňlömö], *iş ady.* Tüpeňlemek ýagdaýy.

**TÜPEŇLEMEK** [tüpöňlömök], *işl.* Tüpeň bilen atmak.

**TÜPEŇLEMEKLIK** [tüpöňlömöklük], *iş ady.* Tüpeňlemek ýagdaýy.

**TÜPEŇLENMEK** [tüpöňlönmök], *işl.* Tüpeň bilen atylmak. *Guduzlan it tüpeňlendi.*

**TÜPEŇLEŞMEK** [tüpöňlöşmök], *işl.* Köp bolup tüpeňlemek.

**TÜPEŇLETDIRMEK** [tüpöňlötdürmök], *işl., ser.* **Tüpeňletmek**.

**TÜPEŇLETMEK** [tüpöňlötmök], *işl.* Tüpeňläp öldürtmek.

**TÜPEŇLEÝIŞ** [tüpöňlöýüş], *iş ady.* Tüpeňlemek ýagdaýy. *Onuň guş tüpeňleýşini görüp haýran galdym.*

**TÜRBET** [türvöt], *at, k.d.* Guburyň üstüne galdyrylan gümmez.

**TÜRGEN** [türgön], *syp.***1**. Bir hünäri kemsiz ele alan, ökdelän. *Ol tüpeň atmaga gaty türgendi.* **2**. Sport bilen yzygiderli meşgullanýan adam, sportçy.

**TÜRGENLEME** [türğönlömö], *iş ady.* Türgenlemek ýagdaýy.

**TÜRGENLEMEK** [türğönlömök], *işl.* Hünäriňe ökdelemek, türgen bolmak.

**TÜRGENLEMEKLIK** [türğönlömöklük], *iş ady.* Türgenlemek ýagdaýy.

**TÜRGENLEŞDIRMEK** [türğönlöşdürmök], *işl.* Türgenleşmegini ýola goýmak.

**TÜRGENLEŞIK** [türğönlöşük], *at.* Haýsydyr bir ugurdan başarnygyňy, endigiňi ösdürmek üçin geçirilýän okuw sapagy. *Harby türgenleşik okuwlary türkmen goşunynyň doly derejede goranyşa taýýardygyny ýene bir gezek görkezdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**TÜRGENLEŞMEK** [türğönlöşmök], *işl.* Hünäri ele alyp, ökdeläp başlamak. *Ol uzynlygyna we ýokarlygyna bökmäge gowy türgenleşdi.*

**TÜRGENLIK**[türğönlük], *at.*Hünäre, belli bir maşka we ş.m. ökdelik.

**TÜRGENLEÝIŞ** [türğönlöýüş], *iş ady.* Türgenlemek ýagdaýy.

**TÜRK**, *at.* **1**. *ser.* **Türkler**. **2**. *gepl.d.* Sada, ýönekeý, köpbilmiş däl (adam hakynda).

**TÜRKANA** [türka:na], *syp.* Häsiýeti, bolşy sada, ýönekeý (adam).

**TÜRKANALYK** [türka:nalyk], *at.* Sadalyk, ýönekeýlik.

**TÜRKÇE** [türkçö], *hal.* Türk dilinde. *Türkçe gepleşmek.*

**TÜRKI** [türküý], *syp.* Türk halklaryna degişli bolan. *Türki diller. Türki halklar.*

**TÜRKLÜK** [türklük], *at, ser.* **Türkanalyk**.

**TÜRKLER** [türklör], *at.* Türkiýäniň esasy ýerli halky.

**TÜRKMEN** [türkmön], *at, ser.* **Türkmenler**.

**TÜRKMENÇE** [türkmönçö], *hal.* Türkmen dilinde. *Olar türkmençäni gowy bilýärler.*

**TÜRKMENÇELEMEK** [türkmönçölömök], *işl.* **1**. Türkmen dilinde sözlemek, türkmençe geplemek. *Ol türkmençeläp bir zat diýdi.* **2**. Türkmenleriň edim-gylymyna, edähedine laýyk hereket etmek, iş etmek. *Ogullaryny türkmençeläp – gudaçylyga sawçy iberip, malyny geçirip, sähedini alyp, gelnalyjylap öýli-işikli etdiler.*

**TÜRKMENÇELEŞMEK** [türkmönçölöşmök], *işl.* Biri bilen türkmençe gepleşmek, bilelikde türkmençelemek.

**TÜRKMENÇILIK** [türkmönçülük], *at.* Türkmeniň durmuşyna, ruhuna, medeniýetine, häsiýetine we ş.m. laýyklykda dörän ýol-ýörelge. *Söwdanyň arasyna düşmek türkmençilikde gaty aýypdyr.*

**TÜRKMENLER** [türkmönlör], *at.* Türkmenistanyň esasy halky, ilaty.

**TÜRKÜLEME** [türkülömö], *iş ady.* Türkülemek ýagdaýy.

**TÜRKÜLEMEK** [türkülömök], *işl.* **1**. Türki dilleriň birinde geplemek, sözlemek. *Ol sözüniň arasyda türküläp gepleýärdi.* **2**. *göç.m.* Sypaýylyk bilen düşnükli, göni, anyk aýtmak. *Belki, hemmämiz düşüner ýaly türkülärsiň?!*

**TÜRKÜLEMEKLIK** [türkülömöklük], *iş ady.*Türkülemek ýagdaýy.

**TÜRKÜLEÝIŞ** [türkülöýüş], *iş ady.* Türkülemek ýagdaýy.

**TÜRKÜŞYNAS** [türküşyna:s], *at.* Türki halklarynyň dili, edebiýaty, taryhy, medeniýeti we ş.m. bilen iş salyşýan, olary öwrenýän alym.

**TÜRKÜŞYNASLYK** [türküşyna:slyk], *at.* Türki halklaryň dilini, edebiýatyny, taryhyny, medeniýetini we ş.m. öwrenýän ylym. *Soňky ýyllarda türküşynaslyk ylmynda düýpli işler edildi.*

**TÜRME** [türmö], *at.* Azatlykdan mahrum edilen adamlar saklanýan ýer, tussaghana, zyndan.

**TÜRNÜK**, *at.* Dik oturdylan iki sany direge kese berkidilen demir taýak görnüşindäki sport enjamy.

**TÜRPE** [türpö], *syp.,k.d.* Gözel, owadan, ajaýyp, täze. *Saňa iýdirdim körpe, Bedewler içinde türpe* ("Görogly").

**TÜRPELIK** [türpölük], *at.* Gözellik, owadanlyk, kaşaňlyk, ajaýyplyk.

**TÜRRE** [türrö], *at.* Oňurganyň çanaklyk süňki bilen birigýän ýeri.

**TÜRŞEK** [türşök], *at.* Biýarasy gawun pazylyna çalymdaş ösümligiň ternä meňzeş düwünçegi.

**TÜSSE** [tüssö], *at.* Bir zat ýananda, otlananda emele gelýän tütün. *Gije oda gitme, gündiz – tüssä* (Nakyl).

**TÜSSEÇYKAR** [tüssöçykar], *at.* Jaýlarda ýakylýan peçleriň tüsse çykýan ýoly.

**TÜSSELEÇ** [tüssölöç], *syp.* Tüssäniň reňkine meňzeş, tüsse reňkli. *Tüsseleç goňur sakgal.*

**TÜSSELEME** [tüssölömö], *iş ady.* Tüsselemek ýagdaýy.

**TÜSSELEMEK** [tüssölömök], *işl.* Tüsse çykmak, tüsse goýbermek, tütemek.

**TÜSSELEMEKLIK** [tüssölömöklük], *iş ady.* Tüsselemek ýagdaýy.

**TÜSSELEŞMEK** [tüssölöşmök], *işl.* **1**. Köp zat tüsselemek, tüsse çykarmak, burugsamak. **2**. *göç.m.* Çilim çekişmek.

**TÜSSELETMEK** [tüssölötmök], *işl.* Tüsse çykartmak, tütetmek.

**TÜSSELEÝIŞ** [tüssölöýüş], *iş ady.* Tüsselemek ýagdaýy.

**TÜTE** [tütö], *at.* Daşyna sapak saralýan içi deşik gargy ýa-da kagyzdan gatlanyp ýasalan bir garyş çemeli uzynlykdaky turbajyk.

**TÜTEME** [tütömö], *iş ady.* Tütemek ýagdaýy. *Oduň tütemesi galdy.*

**TÜTEMEK** [tütömök], *işl.***1**. Ýanman tüsseläp durmak, tütün bolmak, tüsselemek, burugsamak. **2**. *göç.m.* Gynançdan, gahar-gazapdan we ş.m. ýaňa ýüregi lowlap durmak. *Onuň içi bizden ýaňa tütäp durandyr.* **3**. *göç.m.* Gaňşyrawugyňa berk, ýiti täsir etmek.

**TÜTEMEKLIK** [tütömöklük], *iş ady.* Tütemek ýagdaýy.

**TÜTEŞMEK** [tütöşmök], *işl.* Ýanman tüsseläp durmak (ýakylýan odun-çöpler).

**TÜTETMEK** [tütötmök], *işl.***1**. Ýakyp bilmän, ýakman tüsseletmek. **2**. *göç.m.* Ýiti täsir etmek, güýçli burnuňa urmak. *Gowy tutulan düýe çaly gaňşyrawugyňy tütedýär.*

**TÜTÜN**, *at.* **1**. *ser.* **Tüsse**. **2**. Temmäki, çilim.

**TÜWDÜRIBERMEK** [tüwdürivermek], *işl.* Tüwdürip ugramak.

**TÜWDÜRILIŞMEK** [tüwdürlüşmök], *işl., ser.* **Tüwdürilmek**. *Olar inişden aşak tüwdürilişip gitdiler.*

**TÜWDÜRILMEK** [tüwdürülmök], *işl.* Zyňlyp gitmek. *Toýhana az galanda, at tüwdürilip gitdi.*

**TÜWDÜRME** [tüwdürmö], *iş ady.* Tüwdürmek ýagdaýy.

**TÜWDÜRMEK** [tüwdürmök], *işl.***1**. Birini ýa-da bir zady bat bilen ýykyp, atyp togalap goýbermek. *Märekä uran at bir oglany kakyp, tüwdürip goýberdi.***2**. *göç.m.* Işden, gullukdan kowmak, çykarmak.

**TÜWDÜRMEKLIK** [tüwdürmöklük], *iş ady.* Tüwdürmek ýagdaýy.

**TÜWDÜRMEZLIK** [tüwdürmözlük], *iş ady.* *Tüwdürip goýbermezlik.*

**TÜWE** [tüwö], *at.* Ikiýaşar urkaçy göle, gulajyn, gaçar.

**TÜWELEME** [tüwölömö], *üml.* Bir işi gowy ýerine ýetiren adamy öwüp ýa-da onuň eden işi makul görlüp aýdylýan alkyş sözi. *Tüweleme, uly iş bitirdiňiz!*

**TÜWELEÝ** [tüwölöý], *at.* Köwsarlap, burum-burum bolup aýlanyp, dik ýokaryk galýan tozanly güýçli ýel.

◊ **Tüweleý turuzmak 1)** gopgun, galmagal etmek. *Ol dükanyň içinde tüweleý turuzýardy.* **2)** tozan etmek, tozanlatmak.*Ýeňil maşyn gumak ýolda tüweleý turzup barýar.* **Gara tüweleý** ýerdäki gumlary we basga zatlary asmana göterýän güýçli tüweleý.

**TÜWELEK** [tüwölök], *at, ser.* **Tüwlek**. *Biwepa pelek! Kän etdiň heläk, Ile gawun berdiň, Maňa – tüwelek* (Aýdym sanawaçlary).

**TÜWLEK** [tüwlök], *at.* Gawun-garpyzyň düwünçegi. *Bir tüwlek terne. Köp wagtlap gawun-garpyzlaryna seredişsem-de, maňa bir tüwlegini hem hödürlemedi.*

**TÜWI** [tüwü], *at.* **1**. Iýmit üçin ulanylýan ak, süýnmek däne, bürünç. **2**. *gepl.d.* Palaw.

**TÜÝ**, *at.***1**. Adamlaryň we haýwanlaryň bedenine çykýan gyl. **2**. Saç.

◊ **Tüýüňi täzelemek** täze geýim, egin-eşik edinmek, egin-eşigiňi täzelemek.

**TÜÝDÜBERMEK** [tüýdüvermek], *işl.* Tüýdüp başlamak; tüýtmegi dowam etdirmek.*Ýüňi eliňe al-da, şeýdip tüýdüber.*

**TÜÝDÜK**, *at.* Gamyşdan ýasalyp, üflenip çalynýan, dilli gadymy türkmen saz guraly. *Çopan tüýdügi. Tüýdük çalmak. Gamyşdan tüýdük ýasamak.*

◊ **Gargy tüýdük** gargydan ýasalyp, uzynlygy 750-800 *mm*, üst ýüzünde alty, aşagynda bir perde deşigi bolup, ujuna demir müşdük geýdirilip üflenýän tüýdük. **Dilli tüýdük** bir bogunly gamyşdan ýasalan tüýdük (dilli tüýdügiň üç-dört sany perde deşigi bolýar). **Goşa dilli tüýdük** tüýdügiň goşalandyrylan görnüşi. **Meşikli tüýdük** eýlenen geçi hamy meşik görnüşine getirilip, agzyna tüýdügiň özi birikdirilýän dört-bäş perde deşikli saz guraly.

**TÜÝDÜKÇI** [tüýdükçü], *at.* Tüýdük çalýan sazanda.

**TÜÝDÜKLIK** [tüýdüklük], *syp.* Tüýdük ýasamak üçin, tüýdük ýasar ýaly (gamyş). *Tüýdüklik gamyş.*

**TÜÝDÜLMEK** [tüýdülmök], *işl.* **1**. Ýaplygan ýüň çekilip-çekişdirilip, übtük-übtük edilmek. *Tüýdülen ýüňi saýgyçdan geçirmek.* **2**. Könelip, geýilip ýyrtylmak. *Seniň geýen eşigiň derrew düýdüläýýär-le?!*

**TÜÝDÜM**, *at.* Ýüň, pagta, we ş.m. zatlaryň tüýdülen übtügi. *Birtüýdüm ýüň.*

**TÜÝDÜM-TÜÝDÜM**, *hal.* Ýolum-ýolum, ýyrtyk-ýyrtyk bolan, dargan. *It telpegi tüýdüm-tüýdüm edip taşlady.*

**TÜÝDÜŞ**, *iş ady.* Tüýtmek ýagdaýy.

**TÜÝDÜŞDIRMEK** [tüýdüşdürmek], *işl.* Bölek-bölek, tüýdüm-tüýdüm etmek, bir ýanyndan tüýdüp çykmak. *Ol ýerde ýatan galak-gaçak ýüňleri tüýdüşdirdi.*

**TÜÝDÜŞMEK** [tüýdüşmök], *işl.* **1**. Tüýtmäge kömekleşmek. *Gyzy ejesine ýüň tüýdüşdi.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde tüýtmek. *Aýallar ýüň tüýdüşip otyrdy.*

**TÜÝJERIBERMEK** [tüýjörüvermek], *işl.* Birden tüýjerip ugramak. *Gaty ýadadymy, nämemi, oglanjygyň ýüzi tüýjeriberdi.*

**TÜÝJERIŞ** [tüýjörüş], *iş ady.* Tüýjermek ýagdaýy.

**TÜÝJERIŞMEK** [tüýjörüşmök], *işl.* Ýüzi üpür-çüpür bolup başlamak. *Çagalaryň ýüzleri tüýjerişip, eginleri ýygrylyşyp durdy.*

**TÜÝJERME** [tüýjörmö], *iş ady.* Tüýjermek ýagdaýy.

**TÜÝJERMEK** [tüýjörmök], *işl.* **1**. Ýüzündäki tüýler mese-mälim bildirişip durmak, çykyşyp

durmak. **2**. *göç.m.* Ýüzi tebigy reňkini ýitirip, diňe tüýleri aýyl-saýyl bolup durmak. *Tüýjerip durmak.*

**TÜÝJERMEKLIK** [tüýjörmöklük], *iş ady.* Tüýjermek ýagdaýy.

**TÜÝJERMEZLIK** [tüýjörmözlük], *işl.* Tüýjerip durmazlyk.

**TÜÝJERTMEK** [tüýjörtmök], *işl.* **1**. Ýüzüňdäki bildirişip duran tüýleri aýyrmazlyk, görkezip durmak. *Ýüzüňi tüýjerdip durmak.* **2**. Bir zadyň ýüzüni üpür-çüpür etdirip zaýalatmak. *Bilmän jalbarymyň ýüzüni gury ýandak degrip tüýjerdipdirin.*

**TÜÝJÜK,** *at, ser.* **Tüýjümek.**

**TÜÝJÜMEK** [tüýjümök], *syp.* Ýüzi tüýjerip duran, ýüzi üpür-süpür tüý bolup duran. *Tüýjümek mata.*

**TÜÝKESME: tüýkesme ogry** barypýatan ogry, aňrybaş ogry, tüýs ogry.

**TÜÝKÜLIK** [tüýkülük], *at.* Adamyň agyz boşlugynda emele gelýän suwuklyk. *Soňky tüýkülik sakgal ezmez* (Nakyl).

**TÜÝKÜLIKLEME** [tüýkülüklömö], *iş ady.* Tüýküliklemek ýagdaýy.

**TÜÝKÜLÜKLEMEK** [tüýkülüklömök], *işl.* Bir zada tüýkülik çalmak, bir zady tüýkülik bilen öllemek.

**TÜÝKÜLIKLEMEZLIK** [tüýkülüklömözlük], *iş ady.* Tüýkülik bilen öllemezlik, tüýkülik çalmazlyk.

**TÜÝKÜLIKLETDIRMEK** [tüýkülüklötdürmök], *işl.* Başga birine tüýkülik bilen ölletdirmek, tüýkülik çaldyrtmak.

**TÜÝKÜLIKLETMEK** [tüýkülüklötmök], *işl.* Başga biriniň tüýküliklemegine mümkinçilik bermek, ýol bermek. *"Näme, üsti-başyňy tüýkülikledipsiň?!" diýip, ejesi ogluna käýedi.*

**TÜÝKÜLIKLEÝIŞ** [tüýkülüklöýüş], *iş ady.* Tüýküliklemek ýagdaýy.

**TÜÝKÜRIŞ** [tüýkürüş], *iş ady.* Tüýkürmek ýagdaýy.

**TÜÝKÜRIŞMEK** [tüýkürüşmök], *işl.* Birnäçe bolup tüýkürmek.

**TÜÝKÜRME** [tüýkürmö], *iş ady.* Tüýkürmek ýagdaýy.

**TÜÝKÜRMEK** [tüýkürmök], *işl.* **1**. Agyz boşlugynda ýygnanan tüýküligi tüflemek. **2**. Yryma görä: "göz degmesin!" diýen manyda çüfläp, tüf-tüf etmek.

**TÜÝKÜRMEKLIK** [tüýkürmöklük], *iş ady.* Tüýkürmek ýagdaýy.

**TÜÝKÜRMEZLIK** [tüýkürmözlük], *işl.* Tüýküligiňi tüf-tüf edip, agzyňdan çykaryp dökmezlik.

**TÜÝKÜRTMEK** [tüýkürtmök], *işl.* **1**. Tüýküligi agyzdan daşaryk çykardyp taşlatmak. **2**. Yryma görä: "göz degmesin" diýen manyda "tüf-tüf" etdirmek, çüfletmek.

**TÜÝLEK** [tüýlök], *syp.* Ösgün we gür tüýli.

**TÜÝLEKŞORA** [tüýlekşo:ro], *at.* Boýy 50-60 *sm* ýetýän bir ýyllyk ýabany ösümlik.

**TÜÝNÜK,** *at.* **1**. Gara öýüň uklaryny birleşdirýän ýokarky tegelek bölegi. **2**. *gepl.d.* Ýaşamak üçin jaý, öý. *Hemmämiz bir tüýnügiň astynda ýaşaýarys.*

◊ **Tüýnükli ýaglyk** ortasy tegelek nagyşly gyňaçlyk uly ýaglyk.

**TÜÝNÜKÝÜP,** *at.*Tüýnükden asylyp goýulýan owadan gotazly ýüp.

**TÜÝS I,** *at.* Görnüş, keşp, sypat, boluş.

◊ **Tüýsi üýtgemek** belli bir sebäbe görä ýüz keşbi üýtgemek. *Agaýunus Göroglynyň tüýsüniň üýtgänini bildi-de, öňki heňini birneme ýumşadyp ugrady* ("Görogly").

**TÜÝS II**, *syp.*Hakyky, barypýatan, edil, hut.*Ol meni tüýs wagtynda goldady.*

**TÜÝSLI** [tüýslü], *syp.*Görnüşli, hilli.*Gezip ýörseň, her tüýsli adamlara gabat gelýärsiň.*

**TÜÝTDÜRMEK** [tüýtdürmök], *işl.* Tüýtmek işini başga birine etdirmek.

**TÜÝTI-TÜÝTI** [tüýtü-tüýtü], *üml.* Towugy çagyrmak üçin aýdylýan söz.

**TÜÝTME** [tüýtmö], *iş ady.* Tüýtmek ýagdaýy.

**TÜÝTMEK** [tüýtmök], *işl.* **1.** Ýaplygan ýüňi, pagtany eliň bilen çekişdirip, übtük-übtük etmek.*Ol ýorgana salmak üçin ýygnap ýören ýüňüni tüýdüp çykdy.* **2.** Köp eşik ýyrtmak, köneltmek.

**TÜÝTMEKLIK** [tüýtmöklük], *iş ady.*Tüýtmek ýagdaýy.

**TÜÝTMEZLIK** [tüýtmözlük], *iş ady.*Tüýtmek işini etmezlik.

**TÜÝTMELEME** [tüýtmölömö], *iş ady.*Tüýtmek ýagdaýy.

**TÜÝTMELEMEK** [tüýtmölömök], *işl.* **1**. Tüýdüm-tüýdüm edip çykmak, bulaşygyny açmak. *Ýüň tüýtmelemek.* **2**. *göç.m.* Azar bermek, ýolmalamak.

**TÜÝTMELEMEZLIK** [tüýtmölömözlük], *iş ady.* Tüýtmelemek işini etmezlik.

**TÜÝT-MÜÝT: tüýt-müýt etmek 1)** çalak-çulak tüýdüp çykmak. *Hany, galanja ýüňleri-de tüýt-müýt edeli.* **2)** basa düşüp, gabyrt-guburt etmek, basmak. *Gelne baş salynýan jaýda bir daýaw aýal garşydaşyny derrew tüýt-müýt edip, baryp kürteli gelni gujaklady.*

**TÜÝTMELEÝIŞ** [tüýtmölöýüş], *iş ady.* Tüýtmelemek ýagdaýy.

**TYG** [ty:ğ], *at.* **1**. Gylyç, pyçak, päki ýaly sowuk ýaragyň inçelip, ýukalyp gidýän ýiti tarapy, ýüz tarapy; durky, uzynlygy. **2**. Sowuk ýaraglaryň umumy ady. *Tyg ýarasy biter, dil ýarasy bitmez* (Nakyl).

**TYGLAMA** [ty:ğlama], *iş ady.* Tyglamak ýagdaýy.

**TYGLAMAK** [ty:ğlamak], *işl.* Tyg bilen ýaralamak, tyg bilen kesmek. *Ýolugyşan duşmanyň bermese boýun, Öň tüpeňläp, soňra tyglamak gerek* (Baýly şahyr).

**TYGLAMAKLYK** [ty:ğlamaklyk], *iş ady.* Tyglamak ýagdaýy.

**TYGLAMAZLYK** [ty:ğlamazlyk], *iş ady.* Tyglamak hereketini etmezlik.

**TYGLAÝYŞ** [ty:ğlaýyş], *iş ady.* Tyglamak ýagdaýy.

**TYGSAMAK** [tyğsamak], *işl.* Eti gaçmak, eti dökülmek, horlanmak, ytygsamak. *Eti tygsamak.*

**TYGŞYT** [tyğşy:t], *at.* Bisarpa tutman, aýawly saklanan.

**TYGŞYTLABERMEK** [tyğşy:tlavermek], *işl.* Tygşytlap başlamak.

**TYGŞYTLAMA** [tyğşy:tlama], *iş ady.* Tygşytlamak ýagdaýy.

**TYGŞYTLAMAK** [tyğşy:tlamak], *işl.***1**. Bisarpa tutman aýap saklamak; isrip etmän, yrýa etmän artdyrmak, süýşürip goýmak. **2**. *göç.m.* Düzgüne salmak, serenjam bermek, tertibe salmak.

**TYGŞYTLAMAKLYK** [tyğşy:tlamaklyk], *iş ady.* Tygşytlamak ýagdaýy.

**TYGŞYTLAMAZLYK** [tyğşy:tlamazlyk], *iş ady.* Tygşytlap goýmazlyk, tygşytly tutmazlyk.

**TYGŞYTLANMAK** [tyğşy:tlanmak], *işl.* Tygşytly saklanmak.

**TYGŞYTLAŞMAK** [tyğşy:tlaşmak], *işl.* Bilelikde tygşytlamak.

**TYGŞYTLATDYRMAK** [tyğşy:tlatdyrmak], *işl., ser.* **Tygşytlatmak**.

**TYGŞYTLATMAK** [tyğşy:tlatmak], *işl.* Bir zady tygşytly saklatmak.

**TYGŞYTLAÝYŞ** [tyğşy:tlaýyş], *iş ady.* Tygşytlamak ýagdaýy.

**TYGŞYTLY** [tyğşy:tly], *syp.***1**. Aýawly, isripsiz. **2**. Tertipli, düzgünli, serenjamly.

**TYGŞYTLYLYK** [tyğşy:tlylyk], *at.* Tygşytly bolmaklyk.

**TYGŞYTSYZ** [tyğşy:ssyz], *syp.* Zady aýawsyz, bisarpa harçlaýan, bisarpa tutýan.

**TYGŞYTSYZLYK** [tyğşy:ssyzlyk], *at.* Tygşydy ýokluk, tygşytly dällik, tygşytly bolmazlyk.

**TYGYRDAMA** [tyğyrdama], *iş ady.* Tygyrdamak ýagdaýy.

**TYGYRDAMAK** [tyğyrdamak], *işl.* Tygyr-tygyr edip seslenmek, tygyr-tygyr edip hereket etmek (ýöräp barýan arabanyň, galtagyň tigriniň sesi hakynda).

**TYGYRDAMAKLYK** [tyğyrdamaklyk], *iş ady.* Tygyrdamak ýagdaýy.

**TYGYRDAMAZLYK** [tyğyrdamazlyk], *iş ady.* Tygyrdap ýöremezlik, hereket etmezlik.

**TYGYRDAŞMAK** [tyğyrdaşmak], *işl.* Birnäçe araba tygyrdyly ses çykaryp ýöräp barmak. *Arabalar tygyrdaşyp barýar.*

**TYGYRDATDYRMAK** [tyğyrdatdyrmak], *işl.* Tygyrdyly hereket etdirmek.

**TYGYRDATMAK** [tyğyrdatmak], *işl.* Tygyr-tygyr seslendirip ýöretmek, sürmek.

**TYGYRDAÝYŞ** [tyğyrdaýyş], *iş ady.* Tygyrdamak ýagdaýy.

**TYGYRDY** [tyğyrdy], *at.* Hereketdäki arabanyň, galtagyň we ş.m. tygyrdap eşidilýän sesiniň ady. *Öýüň aňyrsyndan galtagyň tygyrdysy eşidildi.*

**TYGYRDYLY** [tyğyrdyly], *syp.* Tygyrdy bilen hereket edýän.

**TYGYR-TYGYR** [tyğyr-tyğyr], *s. ş. aňl. söz.* Araba, galtak ýöränḋe, sürlende çykýan ses.

**TYKGYLDAMA** [tykgyllama], *iş ady.* Tykgyldamak ýagdaýy.

**TYKGYLDAMAK** [tykgyllamak], *işl.* Tykgyldyly ses etmek, tykgyldap seslenmek.

**TYKGYLDAŞMAK** [tykgyllaşmak], *işl.* Birnäçe zat bir wagtda tykgyldyly ses etmek.

**TYKGYLDATMAK** [tykgyllatmak], *işl.* Tykgyldyly ses çykartmak. *Gapyny tykgyldatmak.*

**TYKGYLDAÝYŞ** [tykgyllaýyş], *iş ady.* Tykgyldamak ýagdaýy. *Sagadyň tykgyldaýşy.*

**TYKGYLDY** [tykgylly], *at.* Bir zadyň, başga bir zada çala degmegi netijesinde arasy üzülip çykýan sesiň ady.

**TYKYRABERMEK** [ty:kyra:vermek], *işl.* Tykyrap başlamak.

**TYKYRAMA** [ty:kyrama], *iş ady.* Tykyramak ýagdaýy.

**TYKYRAMAK** [ty:kyramak], *işl.* Oňlaman, ikirjiňlenip, ýaýdanyp durmak; et diýlen zady etmejek bolup durmak. *Muhammet ahun tykyrap durmady* (A.Gowşudow).

**TYKYRAMAKLYK** [ty:kyramaklyk], *iş ady.* Tykyramak ýagdaýy.

**TYKYRAMAZLYK** [ty:kyramazlyk], *iş ady.* Tykyrap durmazlyk.

**TYKYRAŞMAK** [ty:kyraşmak], *işl.* Birnäçe bolup tykyramak. *Olar bu gürrüňe tykyraşdylar.*

**TYKYRATDYRMAK** [ty:kyratdyrmak], *işl., ser.* **Tykyratmak**.

**TYKYRATMAK** [ty:kyratmak], *işl.* Tykyramak katdyna ýetirmek, tykyramagyna sebäp bolmak, tykyramagyna ýol bermek.

**TYKYRAÝYŞ** [ty:kyraýyş], *iş ady.* Tykyramak ýagdaýy.

**TYKYRDABERMEK** [tykyrdavermek], *işl.* Tykyrdap başlamak.

**TYKYRDAMA**, *iş ady.* Tykyrdamak ýagdaýy.

**TYKYRDAMAK**, *işl.* Tykyr-tykyr ses etmek, tykyrdyly ses çykmak, tykyrdy emele gelmek, döremek. *Birden gapy tykyrdady.*

**TYKYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Tykyrdamak ýagdaýy.

**TYKYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Tykyrdyly ses etmezlik.

**TYKYRDAŞMAK**, *işl.* Tykyrdyly seslenmek.

**TYKYRDATDYRMAK**, *işl.* Tykyrdyly sesleri döretdirmek.

**TYKYRDATMAK**, *işl.* Tykyrdyly ses döretmek, çykartmak. *Çagajyk elindäki oýnawajyny tykyrdatdy.*

**TYKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Tykyrdamak ýagdaýy. *Ýeliň badyna gapynyň üznüksiz tykyrdaýşy bilen öwrenişmeli boldy.*

**TYKYRDY**, *at.* Gaty zatlar biri-birine degende çykýan sesiň ady. *Tigiriň tykyrdysy. Daşarda bir zadyň tykyrdysy bar ýaly-la?*

**TYKYRGANMAK** [ty:kyrğanmak], *işl., ser.* **Tykyramak**. *Atam-enem göwnemez diýip tykyrganan boldum* ("Edebiýat we sungat").

**TYKYR-TYKYR**, *s.ş. aňl.söz.* Gaty zatlar biri-birine degende çykýan sesler.

**TYL** [ty:l], *at.* Frontuň yz tarapy, uruş meýdanyndan yzda galan territoriýa. *Beýik Watançylyk urşunyň weteranlarynyň, olaryň ýanýoldaşlarynyň we tylda zähmet çeken weteranlaryň pensiýalarynyň aýda iň ýokary möçberini 638 manat möçberinde bellemeli* ("Türkmenistan").

**TYLLA** [tylla:], *at.* **1**. Sary reňkli, lowurdaýan gymmat bahaly metal, gyzyl, altyn. *Mal üçin ynjydyp gardaş-doganyň, Az bildiň tylladan satyp, sowanyň* (Magtymguly). *Tylla ýüzük.* **2**. Adam ady.

**TYLLAMAK**, *işl.,gepl.d.* Ýekirmek (köplenç, aýal-gyzlar tarapyndan ulanylýan söz). *Ýuwaş bolansoň, uly eltileri kiçi gelinlerini gaty tyllaýarlar.*

**TYLLARLAMAK**, *işl., ser.* **Tyllamak**.

**TYMSAL** [tymsa:l], *at.* Mysal hökmünde getirilýän, aýdylýan gysgajyk gürrüň.

**TYŇKARMA**, *iş ady.* Tyňkarmak ýagdaýy.

**TYŇKARMAK**, *işl.***1**. Doýup garny galyp durmak. *Körpe ýorunjadan doýan guzynyň garynjygy tyňkaryp dur.* **2**. Semizlikden pökgerip durmak, dykyz eti-gany daşyna depmek. *Ýaňagy tyňkaryp durmak.*

**TYŇKARMAKLYK**, *iş ady.* Tyňkarmak ýagdaýy.

**TYŇKARMAZLYK**, *iş ady.* Tyňkaryp durmazlyk.

**TYŇKARTMAK**, *işl.* Tyňkarmak katdyna ýetirmek. *Garnyny tyňkartmak.*

**TYŇKARYLMAK**, *işl.* Tyňky görnüşe geçmek, tyňky bolmak.

**TYŇKARYŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat tyňkaryp durmak. *Dok guzularyň garynjyklary tyňkaryşyp dur.*

**TYŇKY**, *syp.* Eti-gany ýetik, tyňzap duran, dykyz.

**TYŇŇYLDAMA** [tyňňyllama], *iş ady.* Tyňňyldamak ýagdaýy.

**TYŇŇYLDAMAK** [tyňňyllamak], *işl., ser.* **Tyňňyrdamak**. Tyňňyldyly ses etmek, tyňňyldyly ses çykmak, tyňňyrdamak. *Dutaryň kirişleri tyňňyldap, ýakymly ses tamyň içine ýaýrap gitdi.*

**TYŇŇYLDAŞMAK** [tyňňyllaşmak], *işl.* Köp zat tyňňyldamak, tyňňyrdaşmak.

**TYŇŇYLDATMAK** [tyňňyllatmak], *işl.* Kirşine kakyp, tyňňyldyly ses çykarmak, tyňňyrdatmak. *Bagşy dutaryny tyňňyldadyp başlady.*

**TYŇŇYLDAÝYŞ** [tyňňyllaýyş], *iş ady.* Tyňňyldamak ýagdaýy.

**TYŇŇYLDY** [tyňňylly], *at.* Saz gurallarynyň kirşine kakylanda çykýan sesiň ady. *Öýden tyňňyldy eşidildi.*

**TYŇŇYRDABERMEK** [tyňňyrda:vermek], *işl.* Tyňňyrdap başlamak.

**TYŇŇYRDAMA**, *iş ady.* Tyňňyrdamak ýagdaýy.

**TYŇŇYRDAMAK**, *işl., ser.* Kirşine kakylan dutardan tyrňyldyly ses çykmak.

**TYŇŇYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Tyňňyrdamak ýagdaýy.

**TYŇŇYRDAMAZLYK**, *işl.* Tyňňyrdyly ses çykmazlyk.

**TYŇŇYRDAŞMAK,***işl., ser.* Kirşine kakylýan birnäçe utar tyrňyldamak.

**TYŇŇYRDATMAK**, *işl., ser.* Tyňňyrdyly seslendirip çalmak.

**TYŇŇYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Tyňňyrdamak ýagdaýy.

**TYŇŇYRDY**, *at, ser.*Kirşine kakylan dutardan çykýan sesiň ady.

**TYŇZAMA**, *iş ady.* Tyňzamak ýagdaýy.

**TYŇZAMAK**, *işl.* **1**. Içi suwuklykdan we ş.m. zatdan pugta doldurylandan soň ýaryljak ýaly bolup dyňzap durmak (meşik, ýanlyk we ş.m. hakynda). *Ýanlygyň garny tyňzap durdy.* **2**. *göç.m.* Joşmak, möwç urmak, dyňzamak. *Tyňzap gelen gülki.*

**TYŇZAMAKLYK**, *iş ady.* Tyňzamak ýagdaýy.

**TYŇZATMAK**, *işl.* Dyňzar ýaly gaty doldurmak, dyňzatmak. *Ganary tyňzadyp doldurmak.*

**TYŇZAÝYŞ**, *iş ady.* Tyňzamak ýagdaýy.

**TYPANÇAK** [ty:pançak], *syp., ser.* **Taýgançak**.

**TYPANÇAKLYK** [ty:pançaklyk], *at ser.* **Taýgançaklyk**.

**TYPDYRMAK** [ty:pdyrmak], *işl., ser.* **Taýdyrmak**. *Ol gyzjagazynyň elinden tutup, buzuň üstünden typdyrdy.*

**TYPMA** [ty:pma], *iş ady.* Typmak ýagdaýy.

**TYPMAK** [ty:pmak], *işl., ser.* **Taýmak I**. *Ýigitleriň aýaklaryndaky ädikleri, çokaýlary aýnanyň ýüzüne basylan ýaly typyp gidýärdi* (B. Seýtäkow).

**TYPMAKLYK** [ty:pmaklyk], *iş ady.* Typmak ýagdaýy.

**TYPMAZLYK** [ty:pmazlyk], *iş ady.* Typmak hereketine amal etmezlik.

**TYPYBERMEK** [ty:pyvermek], *işl.* Typmaga girişmek, typyp ugramak.

**TYPYŞ** [ty:pyş], *iş ady.* Typmak ýagdaýy.

**TYPYŞMAK** [ty:pyşmak], *işl., ser.* **Taýyşmak**.

**TYRK-TYRK**, *s.ş.aňl.söz.* Agaç, taýak we ş.m. kakylanda, biri-birine urlanda çykýan ses. *Birden onuň işigi tyrk-tyrk kakyldy* (A. Gowşudow).

**TYRKYLDAMA** [tyrkyllama], *iş ady.* Tyrkyldamak ýagdaýy.

**TYRKYLDAMAK** [tyrkyllamak], *işl.* Gapy kakylanda we ş.m. ýagdaýda tyrkyldyly ses çykmak. *Aman şol oýlardan başyny saýlamanka, gapy tyrkyldady* (B. Kerbabaýew).

**TYRKYLDAMAZLYK** [tyrkyllamazlyk], *iş ady.* Tyrkyldyly ses çykmazlyk.

**TYRKYLDAŞMAK** [tyrkyllaşmak], *işl.* Köp ýerden tyrkyldyly ses çykmak.

**TYRKYLDATMAK** [tyrkyllatmak], *işl.* Tyrk-tyrk edip kakmak. *Ahyry ol elindäki gamçysynyň sapy bilen derwezäniň gapysyny tyrkyldatdy* (A. Gowşudow).

**TYRKYLDAÝYŞ** [tyrkyllaýyş], *iş ady.* Tyrkyldamak ýagdaýy.

**TYRKYLDY** [tyrkylly], *at.* Tagtadan ýasalan zadyň ýüzüne çalarak urlanda, kakylanda çykýan sesiň ady. *Onuň gulagyna bir tyrkyldy eşidildi.*

**TYRŇYLDAMA** [tyrňyllama], *iş ady.* Tyrňyldamak ýagdaýy.

**TYRŇYLDAMAK** [tyrňyllamak], *işl.* Dartylan kiriş kakylanda, yrgyldadylanda tyrňyldyly ses çykmak. *Näzijek barmaklar tutýar erşini, Tyrňyldap ýatladýar dutar kirşini* (Ç. Gurbangylyjow).

**TYRŇYLDAŞMAK** [tyrňyllaşmak], *işl.* Birnäçe dartylan kiriş kakylanda, yrgyldadylanda tyrňyldaşmak bilen cykýan ses.

**TYRŇYLDATMAK** [tyrňyllatmak], *işl.* Dartylan kirişleri kakyp, tyrňyldyly seslendirmek.*Bagşy dutaryny tyrňyldatdy.*

**TYRŇYLDY** [tyrňylly], *at.* Dartylan kiriş kakylanda çykýan sesiň ady. *Içerden dutaryň tyrňyldysy eşidilýärdi.*

**TYRPMAK**, *işl., ser.* **Typmak**. *Güle-güle ýene tyrpdym, Basyp duran kesegimden* (K. Gurbannepesow).

**TYRRYK**, *syp.* Gysga, kelte (geýim hakynda).

**TYRRYLDAMA** [tyrryllama], *iş ady.* Tyrryldamak ýagdaýy.

**TYRRYLDAMAK** [tyrryllamak], *işl.* Kiçiräk motor ýa-da kiçi motorly mehanizmler işlände tyr-tyr edip ses etmek, tyrryldyly seslenmek. *Motor tyrryldap geçip gitdi.*

**TYRRYLDAŞMAK** [tyrryllaşmak], *işl.* Birnäçe ýerde tyrryldamak.

**TYRRYLDATMAK** [tyrryllatmak], *işl.* Tyrryldyly ses çykartmak.

**TYRRYLDAÝYŞ** [tyrryllaýyş], *iş ady.* Tyrryldamak ýagdaýy.

**TYRRYLDY** [tyrrylly], *at.* Kiçiräk motor ýa-da kiçi motorly mehanizmler işlände çykýan sesiň ady.

**TYRS-TYRS: tyrs-tyrs etmek** *ser.* **Tyrsyldamak**. *Itden gorkan çaganyň ýüregi tyrs-tyrs edip urýardy.*

**TYSSYLDAMAK** [tyssyllamak], *işl.* Dowamly tyssyldyly ses etmek (pişik hakynda).

**TYRSYLDABERMEK** [tyrsylla:vermek], *işl.* Tyrsyldap başlamak.

**TYRSYLDAMA** [tyrsyllama], *iş ady.* Tyrsyldamak ýagdaýy.

**TYRSYLDAMAK** [tyrsyllamak], *işl.* Tyrs-tyrs edip hereketlenmek, gymyldamak. *Çerkeziň gapana düşen towşan ýaly tyrsyldaýanyna gözleri düşenden soň, olar sorag berip başladylar* (B. Kerbabaýew).

**TYRSYLDAMAKLYK** [tyrsyllamaklyk], *iş ady.* Tyrsyldamak ýagdaýy.

**TYRSYLDAMAZLYK** [tyrsyllamazlyk], *iş ady.* Tyrsyldyly hereket etmezlik.

**TYRSYLDAŞMAK** [tyrsyllaşmak], *işl.* Köp zat tyrsyldamak. *Ýelliniň göriplik damarlary tyrsyldaşyp başlady* (A. Gowşudow).

**TYRSYLDATMAK** [tyrsyllatmak], *işl.* Bedeniň bir ýeri tyrs-tyrs etdmek, gymyldamak. *Ol kinniwanja gara murtlarynyň uçlaryny tyrsyldadyp, topbuja ellerini maňa tarap uzadyp durdy* (T. Gurbanow).

**TYRSYLDAÝYŞ**, *iş ady.* Tyrsyldamak ýagdaýy.

**TYRSYLDY** [tyrsylly], *s.ş.aňl.söz.* Damaryň, ýüregiň we ş.m. tyrs-tyrs edip urmasy, tirpildi.

**TYRYM-DYKYZ**, *hal.* Içi dykylyp doldurylan ýaly bolan. *Gozalary tyrym-dykyz dolan pagtaň bolsa açylmazlyga çäresi ýokdur* (B. Kerbabaýew).

**TYSSYLDY** [tyssylly], *at.* Pişigiň gahar bilen çykarýan sesiniň ady.

**TYS-TYS**, *s.ş.aňl.söz.* Pişigiň gahar bilen yzly-yzyna çykarýan sesi.

◊ **Tys-tys etmek** *ser.* **Tyssyldamak**.

**TYZLAMA**, *iş ady.* Tyzlamak ýagdaýy.

**TYZLAMAK**, *işl.* Bir hili nägile, gaharly görnüşde özüňi alyp barmak (köplenç, çaga, ýaş oglan hakynda).

**TYZLAMAKLYK**, *iş ady.* Tyzlamak ýagdaýy.

**TYZLAÝYŞ**, *iş ady.* Tyzlamak ýagdaýy.

**TYZ-TYZ: tyz-tyz etmek** *ser.* **Tyzlamak**.

**TYZZYLDAMAK** [tyzzyllamak], *işl.* Tyzzyldyly ses çykmak.

**TYZZYLDY** [tyzzylly], *at.* Tomzak ýaly mör-möjekler uçanda çykýan sesiň ady.

# U

**U** [u:] **I**, Türkmen elipbiýiniň ýigrimi bäşinji harpy.

**U** [u:] **II**, *bagl.* Tirkeş sözüň birinji böleginiň yzyna goşulyp, "we" manysyny berýän ses. *Hem jilwe hem gamza, näzu-kereşme, Mekan tutmuş göz-gaşyňda, gollarda* (Mollanepes).

**UÇ** [u:ç], *at.***1**. Esasan, ýüpüň, tanapyň haýsy hem bolsa bir tarapy; ösümligiň başy. **2**. Goýnuň ýuwlup guradylan ýaz ýüňi daralanda, ilki çykýan uzyn ýüň. **3**. Bir zadyň belli bir maksat üçin ýiteldilen başy. *Galamyň ujy. Galama uç çykarmak.*

◊ **Uç almak 1)** gaýnap duran pileden ýüpegiň ujuny tapmak. **2**) keçe basylanda, bişirilende, ol ujundan beýleki ujuna çenli düýrläp basmak, bileklemek. **3**) darakda ýüň daralanda dokmanyň erşi üçin ýüňüň uzynlaryny aýratyn pişge etmek. **Uç tapmak** ýiten, ýitirim bolan zatdan ujypsyzja hem bolsa habar bilmek.

**UÇAN** [uçon], *at.* Ýelkenli gäminiň bir görnüşi.

◊ **Uçan gazan** nahar bişirilýän ullakan gazan. *Toý ýerinde on sany uçan gazan nahar ataryldy.*

**UÇAR** [uçor], *at.* Uçýan ulag. *Çykdym depäň üstüne, Uçar geldi dessine* (Halk döredijiliginden). *Bir uçar uçýar, birisi gonýar, bir ýolagçy düşýär, beýleki münýär* (B. Hudaýnazarow).

◊ **Uçar meýdany** uçarlaryň gonýan, asmana galýan meýdany.

**UÇARLY** [uçorly], *hal.* Uçara münüp, uçar bilen. *Aşgabada uçarly gitjek.*

**UÇARMAN** [uçormon], **1**. Uçmakçy. *Ol birden Boing uçary bilen uçarman boldy.* **2**. Uçary sürýän hünärmen.

**UÇDANTUTMA** [u:şdontutmo], *hal.* Bir ýan ujundan, başdan-aýak, boýdan-başa, bary. *Uçdantutma hemmämiz ýowara çykdyk.*

**UÇDURMAK** [uşdurmok], *işl.* Uçmaga mümkinçilik bermek. *Hiňňildik uçdurmak.*

**UÇGANAK** [uçğonok], *at.* **1**. Ýagýan garyň, ýanýan oduň syçraýan owunjak bölejikleri. *Ol gözüne gar uçganaklarynyň gelip urmagyndan ätiýaç edip, aşak bakýar.***2**. *göç.m.* Käbir halatda, belli bir sebäbe görä gözüň öňünde emele gelýän uçgun ýaly ýylpyldy. *Onuň ysgyny gaçyp, gözleriniň öňünde uçganaklar peýda boldy.*

**UÇGANAKLABERMEK** [uçğonokla:vermek], *işl.* Uçganaklap başlamak.

**UÇGANAKLAMA** [uçğonoklomo], *iş ady.* Uçganaklamak ýagdaýy.

**UÇGANAKLAMAK** [uçğonoklomok], *işl.* **1**. Köp sanly uçganak gaýmalamak, uçganak ýaýramak, uçganak-uçganak bolup syçramak. *Howada gar syrgynlary uçganaklaýardy* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Ot ýaly çalasyn hereket etmek, gymyldamak. *Uçganaklap duran ýigit. Olaryň gelni uçganaklap hyzmat edýärdi.***3**. *göç.m.* Şatlyk alamaty duýulmak, uçaýjak ýaly bolmak. *Onuň ýüzündäki şatlyk uçgunynyň uçganaklany bildirdi* (H. Derýaýew). *Uçganaklap duran mele at.*

**UÇGANAKLAMAKLYK** [uçğonoklomokluk], *iş ady.* Uçganaklamak ýagdaýy.

**UÇGANAKLAMAZLYK** [uçğonoklomozluk], *iş ady.* Uçganaklap durmazlyk.

**UÇGANAKLAŞMAK** [uçğnokloşmok], *işl.* Uçganaklap gaýmalaşmak. *Daşarda gar bölejikleri uçganaklaşýardy.*

**UÇGANAKLAÝYŞ** [uçğonokloýuş], *iş ady.* Uçganaklamak ýagdaýy.

**UÇGUN** [uçğun], *at.* Ýanýan otdan ýalpyldap, syçrap gidýän owunjak ot bölejikleri. *Körükden çykýan ýeliň zarbyna reňki öçügsi mele uçgunlar şöhlelenip, uçuşyp başlady* (B. Seýtäkow).

◊ **Uçgun bolup ýapyşmak** janyňa degmek, ganyňy gyzdyrmak. *Murtuň soňky soragy Möjege uçgun bolup ýapyşdy* (N. Pomma).

**UÇGUR** [uçğur] **I**, *at.* Balagyň çermeginiň içinden geçirilip daňylýan ýörite örülen bag; ýüp.

◊ **Uçguryňy oňarmazlyk** öz başyňy özüň çarap bilmezlik, gowşaklyk, lellimlik. *Uçguryny oňaranok weli, "Gurban, Gurban!" diýip janymy alýar* (A. Durdyýew).

**UÇGUR** [uçğur] **II**, *syp.* Oňat uçýan, gaty uçýan, çalt uçýan. *Şol pursatda asmanda kiçi hilli uçgur uçaryň sesi peýda boldy* (B. Gurbanow).

**UÇ-GYRAKSYZ** [u:ç-ğyraksyz], *syp., ser.* **Uçsuz-gyraksyz**. *Uç-gyraksyz bolýar ýaşlyk hyýaly* (A. Kekilow). *Uç-gyraksyz sährada-da onuň şaňlap duran tamam bar, aýdym-saz edip duran radiosam* (A. Nazarow).

**UÇKY** [u:çky], *hal.* Ýerleşişi, duran ýeri boýunça bir uçdaky, gyradaky, çetdäki, gyraky, çetki.

**UÇLAK** [u:şlok], *syp.* Ujy ýiti, ýiti uzyn uçly. *Uçlak pyçak.*

**UÇLAMA** [u:şlomo], *iş ady.* Uçlamak ýagdaýy.

**UÇLAMAK** [u:şlomok], *işl.* **1**. Gaýnap duran pileden uç almak, ýüpegiň ujuny almak, ujuny tapmak. *20 put uçlamagyň deregine 40 put pile uçlapdyr.* **2**. Bir zadyň ujuny ellemek, ujundan tutmak. *Aksakgal sakgalyny uçlady.*

**UÇLAMAKLYK** [u:şlomokluk], *iş ady.* Uçlamak ýagdaýy.

**UÇLAŞMAK** [u:şloşmok], *işl.* **1**. Uçlamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde uçlamak.

**UÇLATMAK** [u:şlotmok], *işl.* Gaýnap duran pileden uç aldyrmak.

**UÇLAÝYŞ** [u:şloýuş], *iş ady.* Uçlamak ýagdaýy.

**UÇLY** [u:şly], *syp.* Ujy bar, uç çykarylan. *Uçly galam.*

**UÇMA** [uçma:], *at.* **1**. Dini düşünjä görä, hudaýyň halan adamlarynyň ruhunyň o dünýäde eşretli döwran sürmeli ýeri, jennet, behişt, uçmah. *Uruşda uçma bar, dalaşda – tama* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Bag-bakjalyk, sapaly ýer, eşretli ýer.

**UÇMA** [uçmo], *iş ady.* Uçmak ýagdaýy.

**UÇMAH** [uçmoh], *at, ser.* **Uçma**. *Bu sähra, bu uçmah bejerýär bizi* (G. Ezizow).

**UÇMAHY** [uçmohy], *syp.* **1**. Dini düşünjä görä, o dünýäde eşretli gün görjek adam, behişdi, uçma barýan, jennete düşýän. **2**. *göç.m.* Päk-arassa, halalhon (adam). *Watan üçin baş goýan ýigitler uçmahydyr.*

**UÇMAK** [uçmok] **I**, *işl.* **1**. Asmana göterilmek, ganat ýaýyp howada gaýmak (guş we ş.m. hakynda). *Dik depede uçup ýören zatlaryň hetdi-hasaby ýok diýýärler* (B. Hudaýnazarow). *Jöwenlikleriň ýokarsynda entek serçe sürüleri güsürdeşip uçýardy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Uçara münüp, bir ýaňa gitmek, ugramak. *Şyh guýusyna tarap uçup barýarys* (K. Berdiýew). *Iki sagat 45 minut uçduk* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Hiňňildige münüp, iki ýanlaýyn bat alyp hereket etmek. *Geçen gurbanlykda Merdan gelip hiňňildikde uçupdy* (Ç. Aşyrow). **4**. *göç.m.* Suwsuzlykdan ýaňa guramak, düýp tutup bilmän gurap gitmek. *Eken ýorunjamyz suwsuzlykdan ýaňa uçupdyr.***5**. *göç.m.* Gaz halyna öwrülip, hiç zat galmazlyk. *Agzy açyk gapda saklanan spirt uçýar.*

◊ **Uçjak guş ýaly** bir zat sebäpli ynjalyksyz oturmak, galagop ýagdaýda bolmak.

**UÇMAK** [uçmok] **II**, *işl.* Bir zadyň ujy, gyrasy duýdansyz döwülmek, döwlüp gaçmak. *Men bar agramymy atan wagtym, üç sany uguň başy jorta uçupdyr-da, aşak gaýdypdyr* (A. Gowşudow).

**UÇMAKLYK** [uçmokluk] **I**, *iş ady.* Uçmak ýagdaýy.

**UÇMAKLYK** [uçmokluk] **II**, *iş ady.* Uçmak, döwülmek ýagdaýy.

**UÇMALYK** [uçma:lyk], *syp., ser.* **Uçmahy 1, 2.**

**UÇMAZLYK** [uçmozluk], *iş ady.* Uçup gitmezlik.

**UÇRAMA** [uçuromo], *iş ady.* Uçramak ýagdaýy.

**UÇRAMAK** [uçuromok], *işl.* **1**. Gabat gelmek, duş gelmek, duşmak, sataşmak. *Uçradym Araz çaýynda, Men Bezirgene uçradym* ("Görogly"). **2**. Sezewar bolmak, duçar bolmak, ýolukmak, sataşmak.

**UÇRAMAKLYK** [uçuromokluk], *iş ady.* Uçramak ýagdaýy.

**UÇRAMAZLYK** [uçuromozluk], *iş ady.* Sezewar bolmazlyk.

**UÇRATMAK** [uçurotmok], *işl.* **1**. Duşurmak, sataşdyrmak. **2**. Duçar etmek, sezewar etmek, sataşdyrmak, ýolukdyrmak.

**UÇRAÝYŞ** [uçuroýuş], *iş ady,* Uçramak ýagdaýy.

**UÇSUZ** [u:şsuz], *syp.* **1**. Uç çykarylmadyk, uç edilmedik. *Uçsuz galam.* **2**. Ujy ýok, ujy kütek, ujy ýiti bolmadyk. *Uçsuz uk.*

**UÇSUZ-GYRAKSYZ** [u:şsuz-ğyraksyz], *syp.* Aňyrsy-bärsi görünmän ýatan, gaty giň, uç-gyraksyz. *Onuň obasy günorta garap uzalyp gidýän uçsuz-gyraksyz Garagumuň alkymynda ýerleşýärdi* (B. Seýtäkow). *Oglan üçin uçsuz-gyraksyz bu şäher ummasyz täsinlikleri goýnunda gizläp, güwläp duran bir dünýä ýalydy* ("Edebiýat we sungat").

**UÇUK I,** *at.* Gyzgyny ýokary galan ýa-da bir zatdan gorkan adamyň dodagyna çykýan suwluja gabarçyk. *Endamy ot ýaly gyzýany üçin, dodajyklaryna uçuk gaýnapdy* (B. Kerbabaýew).

**UÇUK I,** *syp.* Uçup döwlen.*Olaryň iki sany ullakan gazany bardy. Olaryň biriniň gulagy döwükdi, biriniň erňegi uçukdy* (A. Gowşudow).

**UÇUKLAMA** [uçuklomo], *iş ady.* Uçuklamak ýagdaýy.

**UÇUKLAMAK** [uçuklomok], *işl.* Uçuk çykmak, uçuk emele gelmek. *Birnäçeleriň agzy-burny uçuklapdyr.*

**UÇUKLAMAKLYK** [uçuklomokluk], *iş ady.* Uçuklamak ýagdaýy.

**UÇUKLATMAK** [uçuklotmok], *işl.* Belli bir sebäbe görä agzyna uçuk çykar ýaly etmek. *Gorkuzyp agzyny uçuklatmak.*

**UÇUKLAÝYŞ** [uçukloýuş], *iş ady.* Uçuklamak ýagdaýy.

**UÇUR**, *at.* Wagt, çen, mahal. *Ilki gelen uçurlarym bu ýere kän bir öwrenişmejek boldum.* **2**. Töwerek, golaý ýerler, ugur, tarap. *Şu uçurlarda oba barmyka?*

**UÇURMAK** [uçurmok] **I**, *işl.* **1**. Howada gaýdyrmak, uçmaga sezewar etmek. *Bilbili aýyrma näzenin gülden, Şuňkarym uçurma serimden, goldan* (Magrupy). *Çagalar batbörek uçurýar.* **2**. Hiňňildik ýaly zatlara mündürip, öňe-yza bat aldyrmak. *Biz saňa dürli oýun görkezeris, hiňňildik uçurarys* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Suwsuzlykdan guratmak. *Ozallar ýerasty ajy suw ýokary galyp, ekinleri uçurýan eken* ("Edebiýat we sungat"). **4**. *göç.m.* Ýitirim etmek, ýok etmek.

**UÇURMAK** [uçurmok] **II**, *işl.* Bir zadyň ujuny, gyrasyny duýdansyz döwmek, döwüp gaçyrmak. *Ozal hatardan çykan topuň ýene-de çep ganatyny duşmanyň top oky uçurdy* (P. Rejebow).

**UÇURMAKLYK** [uçurmokluk], iş ady. Uçurmak ýagdaýy.

**UÇURMAZLYK** [uçurmozluk], *iş ady.* Uçmak işini amal etmezlik; uçup gider ýaly etmezlik. *Bilbili aýyrma näzenin gülden, Şuňkarym uçurma serimden, goldan* (Magrupy).

**UÇURSYZ** [uçursuz], *syp.* Çensiz, çakdanaşa, has kän, juda, örän.

**UÇURTMAK** [uçurtmok], *işl.* Uçurmak işini başga birine etdirmek.

**UÇURYLMAK** [uçurulmok] **I,** *işl.* Asmana uçuryp goýberilmek. *Hemra Aýa tarap uçuryldy. Ertesi ikinji howa gämisi äleme uçuryldy* ("Edebiýat we sungat").

**UÇURYLMAK** [uçurulmok] **II,** *işl.* Bir zadyň bir gyrasy, çeti we ş.m. döwülmek.

**UÇURYM** [uçurum], *at.* **1**. Ýelegi ýeten, ganat baglan, uçmaga ýetişen (çaga guş hakynda). *Her ýyl garga çaga çykaryp, uçurym etjek bolan wagtlarynda ýaňky ýylan garganyň çagasyny gelip iýer eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Orta mekdebi, ýokary, ýörite orta okuw mekdebini, hünärmentçilik mekdebini tamamlan (ýaşlar hakynda). *Olar şu ýylky*

*uçurymlaryň ylym-bilim derejesiniň has ýokarydygyny bellediler* ("Türkmenistan"). *Siz haýsy mekdebiň uçurymy?*

**UÇUŞ I, II,** *iş ady.* Uçmak ýagdaýy,

◊ **Uçuş-gonuş zolagy** uçarlaryň uçmagy we gonmagy üçin ýörite gurlan ýol.

**UÇUŞMAK** [uçuşmok], *işl.* **1**. Birnäçe bolup howada uçup ýörmek. *Serçeler bökjekleşip jürküldeşýärdiler, ondan-oňa uçuşýardylar* (B. Kerbabaýew). **2**. Gaýmalaşmak, gaýyşyp ýörmek. *Harmanda pagta übtükleri uçuşýardy.* **3**. Hiňňildikde köp bolup yzly-yzyna uçmak, gezekli-gezegine uçmak. **4**. Uçmakda ýaryşmak,

**UÇUT,***at.* Beýik hem kert, belent we çuň kert gaýa. *Saz eşitmegiň deregine ýaý atanyny ýa-da uçut gaýalardan daş togalanyny ýagşy görerdi* (A. Gowşudow).

**UF**, *üml.* Ýadawlyk, gynanç, zeýrenç ýa-da içiýangynlylyk sebäpli uludan dem alnanda çykýan ses, owuf. *Ol "uf" edip, uludan demini aldy.*

**UFLAMA** [uflomo], *iş ady.* Uflamak ýagdaýy.

**UFLAMAK** [uflomok], *işl.* Uludan demiňi alyp, "uf" edip ses çykarmak, "owuf" diýmek.

**UFTADA** [ufta:da], *hal, k.d.* **1**. Ejiz, biçäre, garyp. *Biz kibi uftadalarnyň derdine derman jykyr* (Andalyp). **2**. Kiçi göwünli, göwnüni kiçi tutýan, päli pes. *Mübtela bolgan belalarga rahatsyz men bu gün, Derdi-gam uftadasy bolgan dowasyz men bu gün* (Andalyp).

**UGRADYJY** [uğrodujy], *at.* **1**. Ýüki we ş.m. zady bir ýerden ikinji ýere ugradýan edara ýa-da şonuň bilen meşgul bolýan adam. *Taýýar önümler gutulara salnyp, ugradyjy bölüme geçirilýär.* **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň ýany bilen gidýän adam. *Şol ugradyjylaryň arasynda Sähet aga hem bardy* (A. Gowşudow).

**UGRADYLMAK**[uğrodulmok], *işl.* Ýola salynmak, bir ýana iberilmek. *Wekiller mähirli ýagdaýda ugradyldy. Çopan-çoluklara kömek eder ýaly adamlar çöle ugradyldy.*

**UGRADYŞDYRMAK** [uğroduşdurmok], *işl.* Ählisini, hemmesini ugratmak, ugradyp çykmak. *Ahallylar sürini ugradyşyp, Saparlyny we Sähedi hormat bilen ýola saldylar* (B. Seýtäkow).

**UGRADYŞMAK** [ugroduşmok], *işl.* Ugratmaga kömekleşmek ; bilelikde ugratmak. *Myhmanlary ugradyşmak.*

**UGRALMAK** [uğrolmok], *işl.* Bir ugra hereket edip başlamak. *Pellehanadan deň ugralypdy. Meýdanlara suw goýberilip ugraldy.*

**UGRAMA** [uğromo],*iş ady.* Ugramak ýagdaýy.

**UGRAMAK** [uğromok], *işl.* Ýola düşmek, bir ýana rowana bolmak, gitmek, ýönelmek. *Haýal etmeli däl, derrew ugramaly! - diýen sesler eşidildi* (H. Derýaýew). *Bu gün hem gaýgyly, hem şadyýan men, Uzak hem şöhratly ýola ugraýan* (H. Kulyýew).

**UGRAMAKLYK** [uğromokluk],*iş ady.* Ugramak ýagdaýy.

**UGRAMAZLYK** [uğromozluk], *iş ady.* Ugramak hereketini etmezlik, ýola düşmezlik.

**UGRAŞMAK** [uğroşmok], *işl.* Birnaçe bolup ýola düşmek, gidip başlamak.

**UGRATMAK** [uğrotmok], *işl.* Kimdir birini ýa-da bir zady ýola salmak, bir ýana ibermek. *Öwez oglum zynhar şerap içmesin! – diýip, tabşyryp ugratdy* ("Görogly").

**UGRAÝYŞ** [uğroýuş] **I, II,** *iş ady.* Ugramak ýagdaýy.

**UGRUBIR** [uğruvi:r], *hal.* Derrew, ýüzüniň ugruna, şol bada. *Bar, ugrubir atyň eýer-esbabyny getir!* (B. Kerbabaýew).

**UGRUGYŞ** [uğruğuş], *iş ady.* Ugrukmak ýagdaýy.

**UGRUKDYRMAK** [uğrukdurmok], *işl.* **1**. Belli bir tarapa, ugra gönükdirmek. *Goja olaram şol tarapa ugrukdyrdy.* **2**. Iş-güýji we ş.m. ýola düşürmek, amala aşar ýaly etmek.

**UGRUKDYRYJY** [uğrukdurujy], *at.* Ýol görkeziji, dogry ýola gönükdiriji.

**UGRUKDYRYLMAK** [uğrukdurulmok], *işl.* Iş-güýç we ş.m. zatlar ýola salynmak, gönükdirilmek. *Ol duşuşyklaryň hersi bir maksada ugrukdyrylýar* ("Edebiýat we sungat").

**UGRUKMA** [uğrukmo], *iş ady.* Ugrukmak ýagdaýy.

**UGRUKMAK**[uğrukmok], *işl.***1**. Belli bir ugra, tarapa gönükmek, dogrulanmak, ýola düşmek. *Goja olaram şol tarapa ugrukdyrdy* (G. Kulyýew). **2**. Ugra barmak, ýola düşmek, başa barmak, ugrugyp gitmek.

**UGRUKMAKLYK** [uğrukmokluk], *iş ady.* Ugrukmak ýagdaýy.

**UGRUNDA**[uğrunno],"Barada, üçin" ýaly manylary aňladýan sözsoňy kömekçi. *Öňdeligi elden bermezlik ugrunda çalyşýarys. Olar hemişe halkyň bähbidi ugrunda alada edýärler.*

**UGUÇ** [u:ğu:ç], *at.* Göç wagtynda uklaryň uçlary döwülmez ýaly geýdirilýän seçekli, çitme ýa-da öýdüme bilen owunjak nagyşlar salnyp dokalýan torba.

**UGUJY** [u:ğu:jy], *at.* Nagşyň bir görnüşiniň ady.

**UGUR** [uğur] **I**, *at.* **1.** Uzalyp gidýän zadyň tutuş boýy, boýdan-başa uzynlygy. **2**. Gidilýän ýol, tarap. *Baryan ugruňa belet bolmasaň, ýoly-ýodany, ilerini-gaýrany seljermek-de aňsat däl diýip oýlanýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. Hojalygyň belli bir pudagy. **4**. Garyndaşlyk topary, tarapy. *Ol biziň daýy ugrumyz bolmaly* (N. Pomma). **5**. Jemgyýetçilik-ylmy akymlaryň belli bir pudagy. *Nähili kitaplar onuň okaýany, Bary bir ugurdan, emma kän sany* (A. Kekilow). **6**. Keýp, maza (çaý hakynda); bir zadyň netijesi, deregi; hil taýdan göwne makullygy. *Kemter atsaň ugry bolmaz, Köp atsaň hem dogry bolmaz* (K. Gurbannepesow). *Bu çaklamamyzyň ugry bolmady.*

◊ **Ugra barmak** ugrukmak, ýola düşmek.*Aý, ugra baryp-barman näme, ol öz elimizdäki zat* (H. Derýaýew). **Ugruna bolmak** şowuna düşmek, şowly bolmak, arzuw-maksadyň ýerine ýetmek. *Meniňki*

*ugruna boldy.* **Ugruna bolsun!** bir işi başlan adama, bir iş bilen ugran adama edilýän ýagşy dileg. **Ugrunaçykmak** biriniň ýa-da bir zadyň aladasyny etmek, gözleginde bolmak, soramak, agtarmak. – *Biz şu işiň ugruna çykmasak, başga kim çyksyn? – diýip goýmady* ("Görogly"). **Ugruna goýbermek** edenine däl diýmezlik, towugyna tok diýmezlik, hiç zat diýmezlik. *Kakasy ogluna zat diýmän, ugruna goýberipdir.* **Ugruna kowmak** *ser.* **Ugruna sürmek** *Bu örän owadan, owadanyň-da owadany diýip, onuň ugruma kowmagy meni has hem götergiledi.* **Ugruna sürmek** özi bilen ugurdaş gopmak, göwnünden turaýjak sözler aýtmak. *Her näme-de bolsa, Hoşgeldi ony ugruna sürdi* (A. Gowşudow). **Ugruna ýykylmak** haýsy hem bolsa bir zady ýerine ýetirmek üçin jan etmek, ymtylmak. *Oglanlar başardyklaryndan aýdym-sazyň ugruna ýykylýarlar* ("Türkmenistan"). **Ugrundan turmak** *ser.* **Ugruny tapmak 2**. *Kuly onuň ugrundan turýardy* (A. Durdyýew). **Ugruny belertmek** bir zadyň nähili edilýändigini az-kem anyklamak. *Ugruny belertseň bolýar, işiň galanyny özümiz oňararys.***Ugruny tapmak 1)** bir zadyň tärini, ýagdaýyny, syryny bilmek; bir zady oňaryp, bejerip bilmek. *Heý, galmagyň ugry tapylmazmyka? Ol derrew ugruny tapdy-da, maşyny işlediberdi.* **2**) biriniň göwnünden turmak, biri bilen umumy dil tapmak. *"Nähili ýol bilen ugruny taparkam?" diýip, ol howlugýardy* (B. Gulow). **Ugruň bolmazlyk 1)** saglygyň peselmek, ýaramazlaşmak. *Meniň şu gün ugrum bolmady* (B. Pürliýew). **2**) keýpiň bolmazlyk, gyzyklanmazlyk. *Keljäniň bolsa aýdym bilen, goşgy bilen ugry bolmazdy* (A. Gowşudow). **Ugruňy ýitirmek** etjegiňi bilmezlik, aljyramak, özüňi ýitirmek, ugruň gaçmak. **Ugruňyz ugur alsyn!** okuw, iş, söwda giden adamyň işiniň rowaç almagy arzuw edilip, onuň sag-aman dolanyp gelmegi üçin edilýän ýagşy dileg. **Ugry bar bolmak** aýdylýan, diýilýän zadyň dogry bolaýmagy mümkin bolmak, dogry çykmak, edilýän gürrüňiň jany bar bolmak, delile dogry gelmek. *Dogry, siziň aýdanyňyzyň hem ugry bar.* **Ugry gaçmak 1)** saglygy peselmek, ýaramazlaşmak, tapdan düşmek. *Syrkawyň gün-günden ugry gaçýar.***2**) keýpiň bozulmak, göwünli-göwünsiz ýagdaýa düşmek. *Oňa bir ýumuş buýursaň ugry gaçýar.* **Ugry ýok 1)** öňküligi bolmazlyk. *Onuň iş bilen ugry ýok.***2**) hal-ýagdaýy gowy dällik. **Ugur alla etmek***bir işi bolşuna görä etmek, öz akymyna goýbermek.* **Ugur almak** *ser.* **Ugruna bolmak**. *Ýöne welin iň ilki onuň özüni çagyryp getirsek, şonda iş örän ýagşy ugur alardy* (N. Saryhanow). **Ugur haýyr bol-a! (bolsun!)** Nirä barýanlygy soralmak arkaly ugran ugruňda haýyr gör diýlen manydaky dileg. *Myrat olary görüp: "Ýeri dostlar, ugur haýyr bol-a!" diýdi* (N. Pomma).

**UGURDAŞ** [uğurdoş], *syp.***1**. Bir ugurda ýerleşýän, bir ugurda; bir ugur boýunça gidýän. *Ugurdaş ýoldaş ýok, bir ýeke özi, Käte yza garap, alardýar gözi* (A. Kekilow). **2**. Çalymdaş, biri-biri bilen utgaşykly, kybapdaş.

**UGURDAŞLYK** [uğurdoşluk], *at.* Bir ugurlylyk, ugry birlik, bir ugurdan bolmaklyk. *Ýolumyzyň ugurdaşlygy gowy boldy.*

**UGUR-DEREK** [uğur-derek]**,** *at, ser.* **Ugur-utga**.*Onuň gürrüňiniň ugur-deregi ýokdur.*

**UGURLAŞMA** [uğurloşmo], *iş ady.* Ugurlaşmak ýagdaýy.

**UGURLAŞMAK** [uğurloşmok], *işl.* Bir mesele, söwda we ş.m. barada bir pikire gelmek, ylalaşmak, oňuşmak.

**UGURLAŞMAKLYK** [uğurloşmokluk], *iş ady.* Ugurlaşmak ýagdaýy.

**UGURLAŞYK** [uğurloşuk], *at.* Bir mesele, söwda we ş.m. barada bir pikire gelmeklik, iki taraplaýyn ylalaşyk, oňşuk.

**UGURLAŞYŞ** [uğurloşuş], *iş ady.* Ugurlaşmak ýagdaýy.

**UGURLY** [uğurly], *syp.* **1**. Kemally, derekli, mazaly, suwytly. *"Hany, bu gürrüňleri taşlap, öz ýagdaýyňyzdan bir ugurly habar bersene!" diýdi* (R. Alyýew). *Başga ugurly zadam edip bilmedim* (R. Gelenow). **2**. Oglana dakylýan at.

**UGURLY-UGRUNA** [uğurl(u)-uğruno], *hal.* Her kim ugruna, öz gerek tarapyna, islän ýerine. *Adamlar ugurly-ugruna dargaşdylar.*

**UGURSYZ** [uğursuz], *syp.* **1**. Biderek, ähmiýetsiz, manysyz, dereksiz, netijesiz, ýalan. *Kä günler aýalynyň ugursyz gepine gidip, goňşularyna-da unutgysyz sözüni aýdardy* (A. Durdyýew). **2**. *göç.m.* Sözünde tapylmaýan, gepinde derek bolmaýan, bolgusyz. *Aryf gadryn bilmez ugursyz nadanlar, Müşgildir aýrylyp düşse dendanlar* (Magtymguly).

**UGURSYZLYK** [uğursuzluk], *at.***1**. Manysyzlyk, bidereklik, ähmiýetsizlik, dereksizlik. **2**. Sözünde tapylmazlyk, gepinde-sözünde derek bolmazlyk, bolgusyzlyk. *Bir söz bereniňden soň, ol işi etmeseň ugursyzlyk bolar.*

**UGURSYZ-UTGASYZ** [uğursuz-utgosuz], *syp.* Biderek, ugur-utgasyz, manysyz, ähmiýetsiz, netijesiz; ýalan. *Ugursyz-utgasyz samrap, başymy çişirdi* (A. Gowşudow).

**UGURTAPYJY** [uğurtapyjy], *at.* Her bir işde ugur-ýol bilýän, her bir ýagdaýdan çykalga tapýan adam.

**UGURTAPYJYLYK** [uğurtapyjylyk], *at.* Her bir işde ugur-ýol bilmeklik, her bir ýagdaýdan çykalga tapmaklyk.

**UGUR-UTGA** [uğur-utgo], *at.* Ugur, derek, many. *Ondan ugur-utga tapyp bolmaz.* (A. Gowşudow). *Okap görüň, heý bir ýazan zadynyň ugry-utgasy barmy?* (A. Annaberdiýew).

**UGUR-UTGASYZ** [uğur-utgosuz], *syp., ser.* **Ugursyz-utgasyz**.

**UGUR-ÝOL** [uğur-ýo:l], *at.* Bir işi etmegiň usuly, täri, ýoly.

◊ **Ugur-ýol bilmek 1**) nähili hereket etmelidigini bilmek. **2**) bejermegiň azda-kande usulyny bilmek (tebip hakynda). *Pylanam ugur-ýol bilýän tebipdir,*

*aýagyň bir ýeri çykandyr öýdýän bolsaň, senem şonuň ýanyna äkidäýeli, sereder.*

**UHHU-UHHO**, *üml.* Küşt depilende her bendiň ahyrynda gaýtalanýan ses. *Gazalyň her bendiniň soňunda "uhhu-uhho", "eýha-eý"; "küşt-küşt" diýip ýeri depip, elleri bilen hereket edipdirler* (A. Jykyýew).

**UJA** [u:jo], *at.* Oňurga süňküniň ujundaky egrije süňk, guýruk ýagynyň içindäki oňurga ujy, oňurga ösüntgisi, uç oňurga.

**UJA** [ujo], *syp.* Dagyň beýik ýeri, beýik. *Uja dagdan aşyp geldim* ("Görogly"). *Düzli meýdan, uja daglar, Gudrat bile biten baglar* (Hatam şahyr).

**UJAL** [ujol], *at.***1**. Ýer sürlende azalyň yzynda galýan insizje joýa meňzeş yz, zolak; tohum sepilende tohumyň ýere tekiz düşmegi üçin sürlen kölçeleri hatara bölýän yz. *Her ujalyň ugry bilen «Her bir dänäň müň bolsun!» diýip tohum sepilip başlanýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy, 466 s.). *Mukam aga pil bilen ujal düzläp ýören Bessiriň deňine bardy* (B. Öwezow). **2**. Uzap giden aňňatlyklaryň arasyndaky peslik, çöketlik.

**UJALAŇ** [ujoloň], *at, kön.s.* **1**. Töwerek-daşyndaky ýagdaý üýtgände, özüniň derisini şol ýagdaýa görä üýtgedip bilýän, yssy ýurtda ýaşaýan süýreniji haýwan, hameleon. **2**. *syp., göç.m.* Ikiýüzli, agyp-dönüp duran (adam hakynda).

**UJALLAMAK** [ujollomok], *işl., oba h.* Tohum sepiljek ýere çäk çekmek, bellik goýmak. *Ujallap peliň başyna, Tohum goýbermän daşyna* (Mätäji).

**UJALLANMAK** [ujollonmok], *işl.* Ujal çekilmek. *Sürlüp çillenen atyzlar uzaboýuna pil bilen çapylyp ujallanýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy, 466 s.).

**UJALLATMAK** [ujollotmok], *işl.* Ujallamak işini birine etdirmek.

**UJAŞ** [u:joş], *hal.* Ýakyn, ýanaşyk, hatar, utgaşyk. *Uruş otur, ujaş otur* (Nakyl).

**UJAŞMAK** [u:joşmok], *işl.* Biri-biriň bilen arkalaşyp bir iş etmek, birek-birege hemaýat etmek. *Uruş-da uçma bar, ujaş-da – tama* (Atalar sözi).*Ýanaşyp öýler tutanym, Ujaşyp ojak gazanym, Egindeşim jan käbäm* (Agy).

**UJUZ,***syp.* Gymmat däl, arzan, bahasy pes.

◊ **Ujuz daramak** çala daramak, çala degmek, käýemek, azgyrylmak, kemter gaýtmak. *Heniz hem Aýnur saňa ujuz darapdyr.* **Ujuz gutulmak** sypmak, aňsatlyk bilen sypmak, gutulmak, ýeňil sypmak, dynmak. *Duşmanlardan ujuz gutuldym* ("Türkmen halk ertekileri").

**UJYPLY** [ujuýply], *syp.* Köp, artyk. *Wah, men bulardan ujyply kireý hemalamok-la.*

**UJYPSYZ** [ujuýpsuz], *syp.* Örän az, sähelçe, peýdasy az bolan. *Ýöne düýeçilikden girýän girdeji ujypsyzdy* (Ç. Matalow).

**UJYPSYZJA** [ujuýpsuzjo], *syp.* Gaty az, sähelçe. *Jaý üçin ujypsyzja töleg tölenýär.*

**UJYPSYZLYK** [ujuýpsuzluk], *at.* Örän azlyk, bolelin dällik, azlyk.

**UJYZ** [ujuýz], *syp., ser.* **Ujuz**.

**UK** [u:k], *at.* Balalary tüýnüge, aşaky ujy tärime berkidilýän, ak öýüň üstki bölegini düzýän, inçeden syrdam, egriräk uzyn agaç. *Öýüň uklaryny çalyşmaly. bolupdyr.*

◊ **Uguny ýekelemek** götergilemek, ugruna kowup, gop bermek, göwnünden turan kişi bolup, öz tarapyňa çekmek, öwüp yrmak. *Ýelli ilki başlygyň uguny ýekeledi* (A. Gowşudow).

**UKBAG** [u:kba:ğ], *at.* Ugy tärime berkitmek üçin uguň aşak ujundaky inçe ýüp, bag, ukbagjyk. *Öýüň ukbaglaryny daňyşdyrmak.*

**UKBAGJYK** [u:kba:ğjyk], *at, ser.* **Ukbag**.

**UKLABERMEK** [u:kla:vermek], *işl.* Uklap başlamak.

**UKLAMA** [u:klomo], *iş ady.* Uklamak ýagdaýy.

**UKLAMAK** [u:klomok], **I,** *işl.* Ukuly ýagdaýda bolmak, uka giden halda bolmak, ýatmak, uka gitmek. *Ol nahar edinenden soň, aşagyna düşekçeleri ýazyp, hemme ýorganlary hem üstüne atyp uklamakçy boldy* (A. Gowşudow).

**UKLAMAK** [u:klomok], **II** *işl.* Ak öýüň uklaryny dakmak, düzmek.

**UKLAMAKLYK** [u:klomokluk], **I,II** *iş ady.* Uklamak ýagdaýy.

**UKLAMAZLYK** [u:klomozluk] **I**, *iş ady.* Ýatmazlyk, uka gitmezlik.

**UKLAMAZLYK** [u:klomozluk] **II**, *iş ady.* Uk dakmazlyk.

**UKLAŞMAK** [u:kloşmok] **I**, *işl.* Birnäçe bolup uklap ýatmak. *Çagalaryň hemmesi uklaşyp ýatyrdylar* ("Edebiýat we sungat").

**UKLAŞMAK** [u:kloşmok] **II**, *işl.* **1**.Uklamaga kömekleşmek. *Täze öýi uklaşmaga goňşular hem gelipdi.***2**. Bilelikde uklamak.

**UKLATDYRMAK** [u:klotdurmok], *işl.* Uklamaga mümkinçilik bermek.

**UKLATMAK** [u:klotmok] **I**, *işl.* Uka gidermek, ýatyrmak. *Söýýän, ýaz gijesi, hemişe seni, Ukladyp ýelpeýäň salkyn ýel bilen* (R. Seýidow).

**UKLATMAK** [u:klotmok] **II**, *işl.* Uklamak işini başga birine etdirmek. *Ol öýüni eltisine uklatdy.*

**UKLAÝYŞ** [u:kloýuş] **I**, **II,** *iş ady.* Uklamak ýagdaýy.

**UKRAIN** [ukyraýi:n], *at, ser.* **Ukrainler**. *Ukrain edebiýaty.*

**UKRAINLER** [ukyraýi:nler], *at.* Ukrainanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**UKUÇYL** [u:kuçul], *syp.* Ukyny gowy görýän, ukudan doýmaýan, köp uklaýan. *Ukuçyllar eýýäm hor çekip başladylar.*

**UKUÇYLLYK** [u:kuçulluk], *at.* Ukyny gowy görmeklik, ukudan doýmazlyk, köp uklaganlyk. *Ony ukuçyllygy heläk edýär.*

**UKULY** [u:kuly], *syp.* Ukudan açylmadyk. *Ol ukuly gözlerini ses gelen tarapa dikdi.*

**UKURYK** [ukuruk], *at.* **1**. Ýylky tutulýan ujy syrtmakly uzyn taýak. **2**. Eşegi harazdan ýa-da harmanyň ortasyna dikilen agaçdan belli bir uzaklykda saklaýan agaç.

**UKUSYZ** [u:kusuz], *syp.* Ukusy tutmaýan, gözüne uky gelmeýän, uklap bilmeýän. *Ukusyz gijeler, argynly günler, Hoş gal, juwanlygyň sapaly çagy* (H. Kulyýew).

**UKUSYZLYK** [u:kusuzluk], *at.* **1**. Ukusy ýokluk, ukusyz halda bolmaklyk. *Ol näçe gündür ukusyzlykdan kösenýärdi.* **2**. Kesel ady.

**UKY** [u:ky] **I**, *at.* Belli bir wagt aralygynda doly ýa-da kem-käsleýin huşuňda bolman, yklap ýatmak ýagdaýy. *Ballym, ukyň bal bolsun, Bagtyň açyk gül bolsun* (G. Seýitliýew). *Ol ukusyna diýseň sakdy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Uka batmak** uklamak, uklap ýatmak. **Uka gitmek** uklap ýatmak, uka batmak, uklamak, ýatmak. *Oýandyrmaň ballymy, Ýaňyja uka gidipdir* (Hüwdi). *Dagyň goýnundaky janly-janawer uka gidipdi* (B. Kerbabaýew). **Ukudan galmak** ukyňy alyp bilmezlik, bir sebäpden ýatmazlyk, uklamazlyk. *Ökde çopanlar malyň baş sanyny artdyrmak üçin, semizligini ýokary derejede saklamak üçin uzak gijeler ukudan galýarlar.* **Ukudan goýmak** uklatmazlyk, ýatyrmazlyk, ukusyny aldyrmazlyk. *Çyrlap ýatmadyk çaga enesini ukudan goýdy.* **Ukusy gaçmak** uklap bilmezlik, ukyň tutmazlyk, ýatyp bilmezlik. *Şeýle bolsa-da onuň garny çekildi, eti döküldi, ukusy gaçdy* (N. Saryhanow). **Ukusyna sak** uklaman saklanyp bilýän, ukusyna buýrup bilýän, erk edip bilýän. *Ol ukusyna diýseň sakdy* ("Edebiýat we sungat"). **Ukyň gelmek***ser.* **Ukyň tutmak. Ukyň tutmak** uklasyň gelmek, ýatasyň gelmek. *Onuň ukusy tutýardy.* **Ukyňy almak** gowy uklap turmak, ukudan doýmak. *Ir ýatyp, mazalyja ukymy alypdyryn.*

**UKY** [u:ky] **II**, *at.* Hudaýatylaryň tuduň, erigiň şahalarynyň ýüzünde çagalary üçin ýasanýan höwürtgesi.

**UKYP** [ukuýp], *at.* Bir zady, işi ýerine ýetirmeklige gerek bolan başarnyk, üşük, başarjaňlyk, zehin.

**UKYPLY** [ukuýply], *syp.* Ukyby bar bolan.

**UKYPLYLYK** [ukuýpluluk], *at.* Ukyby barlyk, ukyply bolmaklyk. *Her bir işi janypkeşlik, ukyplylyk, guramaçylyk bilen ýerineýetirmeli.*

**UKYPSYZ** [ukuýpsuz], *syp.* Ukyby ýok, ukyby bolmadyk. *Hamala hiç zada ukypsyz ýaly, Getirer başyna dürli hyýaly* (A. Kekilow).

**UKYPSYZLYK** [ukuýpsuzluk], *at.* Ukyby ýokluk, ukyby bolmazlyk. *Olaryň käbiri özüniň gowşaklygy, ukypsyzlygy sebäpli ýüregindäki howsalany daşyna çykaraýýar* (A. Gowşudow).

**ULABERMEK** [ula:vermek], *işl.* Ulap başlamak. *Üzük sapaklary şeýt-de ulaber.*

**ULAG** [uloğ], *at.* Bir ýere gitmek, ýük daşamak we ş.m. üçin ulanylýan serişde: at, düýe, eşek, maşyn. *Ulag her bir ýurduň halk hojalyk toplumynyň iň zerur toparlarynyň biridir* ("Türkmenistan").

**ULALDYLMAK** [uloldulmok], *işl.* Ululygy, göwrümi artdyrylmak, giňeldilmek. *Ulaldylan daýhan birleşigi.*

**ULALMA** [ulolmo], *iş ady.* Ulalmak ýagdaýy.

**ULALMAK** [ulolmok], *işl.* **1**. Göwrümi, gabarasy artmak, giňelmek, beýgelmek. *Wagtyň, ýyllaryň geçmegi bilen obalarymyz barhaulalýar.* **2**. Ösüp ýetişmek, kemala gelmek. *Sen öň oglandyň-da, indi ulalaýdyňmy?* (A. Durdyýew). *Aýdylmaly sözler bilen ulalyp, Aýdylmadyk sözler bilen söýdüm men* (H. Kulyýew). **3**. *gepl.d.* Wezipesi ýokarlanmak, derejesi artmak, uly işe bellenmek. *Arçynymyz ulaldy.* **4**. *gepl.d.* Ulumsy bolmak, gopbamsy bolmak, özüňi uly tutmak. *Asla ulalmak, kiçelmek diýen zadyň nämediginem bilenokdy* (A. Gurbanow).

**ULALMAKLYK** [ulolmokluk], *iş ady.* Ulalmak ýagdaýy.

**ULALMAZLYK** [ulolmozluk], *iş ady.* Uly hala geçmezlik, uly bolmazlyk.

**ULALTMAK** [uloltmok], *işl.* **1**. Göwrümini, gabarasyny uly etmek, artdyrmak. *Jaýyulaltmak.* **2**. Ösdürmek, kemala getirmek. *Hanha, allanäme, otyr öýünde, Ogluny ulaltmak diňe küýünde* (A. Kekilow). **3**. Artdyryp aýtmak, üstüne goşmak, has artdyryp görkezmek. *Bolan wakany ulaldyp gürrüň berdi* (A. Gowşudow). *Gelenden soň bolsa, eden karzyny on esse ulaldyp, gykylyga başlardy* (B. Seýtäkow). **4**. *gepl.d.* Uly wezipä bellemek, geçirmek.

**ULALTMAKLYK** [uloltmokluk], *iş ady.* Ulalmak ýagdaýy.

**ULALYBERMEK** [uloluvermek], *işl.* Ulalyp ugramak. *Çagalaram gününi sanap ulalyberdi.*

**ULALYP-OŇALMADYK** [uloluv-oňolmoduk], *syp.* Ulalsa-da, il hataryna goşulmadyk, akyllanmadyk, bihepbe, pekge.

**ULALYŞ** [ululuş], *iş ady.* Ulalmak ýagdaýy.

**ULAMA** [uloma:], *at.* **1**. *k.d.* Alym, ylymly. *Ulama azsa, geň bolar* (Talyby). **2**. *gepl.d.* Ylmy ýetik, akylly, parasatly, ile görelde bolýan, ýaşuly. – *Bu ahwalaty ulamalar ýagşy bilerler – diýdi* ("Edebiýat we sungat").

**ULAMA** [ulomo], *iş ady.* Ulamak ýagdaýy.

**ULAMAK** [ulomok], *işl.***1**. Ýüpi, sapagy başga bir ýüpe, sapaga işip ýa-da pet, krahmal çalyp, agajy biri-birine çüý bilen berkidip seplemek. *Ýüpe ulap duşagmyzy, Ýükläp odun alyp gelýäs* (K. Taňrygulyýew). **2**. Bir gürrüňiň yzyna başga gürrüň goşmak. *Gürrüňi gürrüňe ulamak.*

**ULAMAKLYK** [ulomokluk], *iş ady.* Ulamak ýagdaýy.

**ULAMALYK** [uloma:lyk], *at.* **1**. *k.d.* Alymlyk, ylymlylyk. **2**. *gepl.d.* Ylmyň, sowadyň ýetik bolup, iliň öňüne düşmek derejesine ýetmek. *Ulamalyga ýetişmeklik.*

**ULAMAZLYK** [ulomozluk], *iş ady.* Ýüpi, sapagy başga bir ýüpe, sapaga işip ýa-da pet, krahmal çalyp seplemezlik.

**ULANMA** [ulonmo], *iş ady.* Ulanmak ýagdaýy.

**ULANMAK** [ulonmok], *işl.* Birinden ýa-da bir zatdan peýdalanmak, haýyrlanmak.

**ULANMAKLYK** [ulomnokluk], *iş ady.* Ulanmak ýagdaýy.

**ULANMAZLYK** [ulonmozluk], *iş ady.* Peýdalanmazlyk, haýyrlanmazlyk.

**ULANYBERMEK** [ulonuvermek], *işl.* Ulanyp başlamak.

**ULANYLMAK** [ulonulmok], *işl.* Gerekli ýerinde bir zatdan doly peýdalanmak, haýyrlanmak.

**ULANYŞ** [ulonuş], *iş ady.* Ulanmak ýagdaýy.

**ULAŞDYRMAK** [uloşdurmok], *işl.* **1**. Birnäçe zady biri-birine sepleşdirmek, birleşdirmek, utgaşdyrmak. **2**. *göç.m.* Birini bir zada sezewar etmek, uçratmak, duçar etmek, duşurmak. *Pelek meni derde ulaşdyrypdyr* (Seýdi). *Sebäbi jogabym Ogulaýy başga pikirlere ulaşdyrarmyka öýtdüm* (R. Gelenow). **3**. *göç.m.* Gürrüňi biri-birine baglaşdyrmak, sepleşdirmek.

**ULAŞMAK** [uloşmok], *işl.* **1**. Ulamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde ulamak. **2**. Yzly-yzyna utgaşmak, sepleşmek. **3**. Sezewar bolmak, duçar bolmak, uçramak, ýolukmak. *Telbe boldum, ýaman derde ulaşyp* (Zelili). *Dostum eger başyň ulaşsa derde, Duşmanyňam bolsa ýüz tutgun merde* (M. Seýidow).

**ULATDYRMAK** [ulotdurmok], *işl.* Ulamak işini başga birine etdirmek.

**ULATMAK,** [ulotmok] *işl.* Ýüpi, ýüplügi, agajy we ş.m. biri-birine ulap uzaltmak. *Agaçlary biri-birine ulatsaň, jaýyň üstüne goýmaga ýetjek.*

**ULGAM** [ulğom], *at.* **1**. Beýikli-pesli gum, baýyrlyk, daglyk ýerler. *Dag ulgamy.* **2**. Kadaly we özara baglanyşykly hereket edýän gurluş. **3**. Bir pudaga, ugra degişli edaralaryň jemi, sistema.

**ULGAM-ULGAM** [ulğom-ulğom], *hal.* Birnäçe ulgamyň utgaşmagyndan ybarat. *Uçar Garagumuň bir sydyrgyn gidýän ulgam-ulgam beýik gum depeleriniň üsti bilen barýardy* (B. Gurbanow).

**ULLAKAN** [ulloka:n], *syp.* **1**. Göwrümi, gabarasy, görnüşi, ölçegi ep-esli, uly. *Ullakan daş. Ullakan telpek.* **2**. Düýpli, ep-esli, möhüm (aýyklanýan sözüň gowy ýa erbet manyly söz bolmagy mümkin). *Meniň ullakan eden işim şok.* **3**. *gepl.d.* Ululyk ýaşyna ýeten. *Olar indi ullakan adamlar.*

**ULŇAMAK** [ulňomok], *işl., gepl.d., ser.* **Ulamak.**

**ULŇAŞMAK** [ulňoşmok], *işl., gepl.d.* Ulaşmak. *Sakçylaryň kümelerinden çykýan tütünler biri-birine ulňaşyp gidýärdi.*

**ULŇAŞYK** [ulňoşuk], *syp,* Biri-biri bilen sepleşip, ulaşyp, birleşip, goşulyp giden. *Ulňaşyk salnan ýaşaýyş jaýlary.*

**ULTURAMA** [u:lturomo], *iş ady.* Ulturamak ýagdaýy.

**ULTURAMAK** [u:lturomok], *işl.* Urulmak, ýenjilmek sebäpli birinden gaty awunmak; birinden çürkenip, aldanyp kösenmek.

**ULTURATDYRMAK** [u:lturotdurmok], *işl,* Bir sebäbe görä birini uwlundyrtmak.

**ULTURATMAK** [u:lturotmok], *işi* Bir sebäbe görä birini uwlundyrmak, çürkemek. *Hiý, şeýle-de bir iş bolarmy, hiý, şeýle-de bir ulturatmak bolarmy?* (A. Durdyýew).

**ULTURAÝYŞ** [u:lturoýuş], *iş ady.* Ulturamak ýagdaýy.

**ULUDAN-KIÇÄ** [uludon-kiçä:], *at.* Uly-kiçi adamlar, hemmeler, bar adamlar. *Uludan-kiçä hemmesi gelsin.*

**ULUG** [uluğ], *syp., k.d.* Uly. *Ulug iller, dagar çaşar, Mert ärden hany bolmasa* (Magtymguly). *Peri-peýker, ulug günä kylmyşam* ("Saýatly – Hemra").

**ULUGYZ** [uluğy:z], *at,* Kemala gelen, ýaşy ýeten, ýetişen gyz, heniz durmuşa çykmadyk gyz. *Ulugyzlar owsun atyşyp, otagalaryny ykjadyşyp, ýaş gelinler bilen Gatakardan suw çekýärdi* (N. Pomma).

**ULUGYZLYK** [uluğy:zlyk], *at.* Ulugyza degişli döwür, ulugyzyň ýagdaýy,

**ULUKJYN** [ulukjun]: **ulukjyn açdyrmak** betlik edip, ýakymsyzlyk edip, başgalaryň rahatlygyny bozmak, ýüregine düşmek. *Olar obany ulukjyn açdyryp ýörler.* **Ulukjyn bermek** halys bizar etmek, azar ýamanyny görkezmek, bizar-peteňini çykarmak. *Dursunyň oňa gözi düşenden bütin oba ulukjyn berip, aldap ýörşi ýadyna düşüp, tas gülüpdi* (H. Ysmaýylow).

**ULULYK** [ululuk], *at.* **1**. Göwrümi, gabarasy, möçberi uly bolmaklyk. **2**. Ähmiýeti, zerurlygy boýunça wajyplyk. *Meseläniň ululygy sebäpli ýygnak uzaga çekdi.* **3**. Ýaş taýdan tapawudy bolan aýratynlyk. *Onuň menden ululygy bolsa iki ýaşdyr.* **4**. Gulluk, wezipe, abraý we ş.m. taýdan tapawutlylyk. *Ol özüniň wezipesiniň ululygyna garamazdan, özüni kiçi göwünli alyp barýar.*

**ULULY-KIÇILI** [ululu-kiçili], *syp.* Içinde ulusy-da, kiçisi-de bolan, uly-kiçi hemmesi garyşyk. *Ululy-kiçili garpyzlar.*

**ULUMSY,***syp.* Özüni uly tutýan, hondanbärsi hasaplaýan, gopbamsy.

**ULUMSYLANMA** [ulumsulonmo], *iş ady.* Ulumsylanmak ýagdaýy.

**ULUMSYLANMAK** [ulumsulonmok], *işl.* Ulumsy häsiýete geçmek, ulumsy bolmak. *Garry meni şeýle hala salanyna begenen bolsa gerek, ulumsylanyp ýylgyrdy* (N. Saryhanow).

**ULUMSYLANYŞ** [ulumsulonuş], *iş ady.* Ulumsylanmak ýagdaýy.

**ULUMSYLYK** [ulumsuluk], *at.* Ulumsy adama has bolan gylyk-häsiýet, hondanbärsilik, gopbamlyk, gedemlik. *Ulumsylyk erbet gylyk diýýärler. Beterräk diýseňem rastdyr, rast. Ýöne ulumsylyk etmejek bolup, Ýyrşaryp ýörmegem gowy däldir, dost* (K. Gurbannepesow).

**ULUMSYRAMA** [ulumsuromo], *iş ady.* Ulumsyramak ýagdaýy.

**ULUMSYRAMAK** [ulumsuromok], *işl.* Ulumsy bolan bolmak, hondanbärsi bolan bolmak. gopbamsyramak, gedemsiremek. *Oglan ulumsyrar, nadan bilimsirär* (Nakyl). *Han ulumsyrap, arkan gaýşyp pallady* (N. Saryhanow).

**ULUMSYRAMAKLYK** [ulumsuromokluk], *iş ady.* Ulumsyramak ýagdaýy.

**ULUMSYRAÝYŞ** [ulumsuroýuş], *iş ady.* Ulumsyramak ýagdaýy.

**ULUŇ,***at.* Gawun, garpyz, kädi ýaly ösümlikleriň töweregine ýaýraýan gollary.

**ULURAK** [ulura:k], *syp.* Azda-kände uly, birneme uly. *Sapar dutar çalardy, özem bizden birneme ulurakdy* ("Türkmenistan").

**ULUS**, *at.* **1**. Uly il, halk, köpçülik, ilat. *Sen deýin görmedim ulusda-ilde* (Kemine). *Maňa tabşyr, balam, söwer ýaryňny, Ulus görmez ýerde pynhan eýläýin* (Mollanepes). **2**. Ýurt, ülke. *Kaýsy ilden, kaýsy ulusdan bolar sen?* ("Görogly").

**ULUS-IL** [ulus-i:l], *at, ser.* **Ulus 1** we **2**.

**ULUSYRAMAK** [ulusuromok], *işl.* Özüňi uly tutmak, uly hökmünde görkezjek bolmak.

**ULY,** *syp.* **1**. Ölçegi, gabarasy, göwrümi taýdan kiçiden has ullakan. *Uly kitap. Uly jaý. Uly harp* (baş harp).*Uly gazan. Uly howly. Uly dalbar.* **2**. Ýaşy ýokary, ýaş taýdan uly. *Edebiň ýagşysy – ulyny syla* (Nakyl). *Jygalybegiň üç sany ogly bardy, iň uly oglunyň adyna Genjim beg diýerdiler* ("Görogly"). **3**. Aýratyn ähmiýeti bolan, has ähmiýetli. *Uly mesele*. **4**. Çäksiz, köp, möçbersiz. **5**. *göç.m.* Ýaşuly, baştutan, ýolbaşçy işgär, jogapkär işgär. *Özüm ulyňyzyň ýanyna baryp gepleşerin* (K. Berdiýew). **6**. *göç.m.* Batly, güýçli, joşgunly. *Begenjiň ýoldaşlary uly şowhun turzup, ony "hangöter" edip, daşaryk çykardylar* (G. Kulyýew).

◊ **Ula gitmek (goýbermek)** at çapyşygynda aty iň uly baýraga goýbermek, goşmak.**Ula turmak** göreşiň uly baýragyny almak üçin göreşmäge çykmak.**Ula ýatmak**ahyrky ukusyna ýatmak (ýüpek gurçugy hakda).**Uludan dem almak** bir zada gynanmak, ökünmek, ahmyr çekmek.*Ol uludan demini alyp, jaýyň içini gözden geçirdi* (B. Seýtäkow). **Uly geplemek (gürlemek)** başarmajak işiňi ýerine ýetirerin diýip öwünmek, güplemek. **Uly göwräňi kiçeltmek**öz mertebäňden pes derejedäki görnüşe girmek, kiçelmesiz ýagdaýda kiçelmek.*Ol uly göwresini kiçeldip, etagat ediji bir ýagdaýda yzyna öwrülip durdy* (B. Kerbabaýew). **Uly ili bilen (aglamak, gygyrmak we ş.m.)** bogazyna sygdygyndan gaty ses bilen (aglamak, gygyrmak). *Bolşuň nähili, köpçüligiň içinde beýdip uly iliň bilen biriniň üstüne gygyryp durmak bolarmy?* **Uly okuw** *gepl.d.*Ýokary bilim berýän institut, uniwersitet.**Uly söze toba (toba-tagsyr)** aýdylýan sözüň uly geplemek däldigini nygtamak üçin ulanylýan aňlatma.

**ULY-KIÇI** [ulu-kiçi], *at, syp.* **1**. Uly we kiçi ýaşly adamlar, ahli adamlar, hemmeler. *Ýene-de diýdiler: "Ulamy-kiçä, Öljegňi bilseň-de ýalbarma kişä!"* (K. Gurbannepesow). **2**. Ululy-irili, uzynly-gysgaly, ownukly-irili (zatlar). *Uly-kiçi demir bölekleriniň hemmesini bir ýere üýşüriň.*

**ULY-ULY** [ul(u)-uly], *syp.* **1**. Hemmesi uly, köp zatlaryň her haýsy uly. *Uly-uly gaýalar.* **2**. Örän köp, ummasyz. *Ümzükleri öňe bolan kärhananyň işgärlerine işlerinde uly-uly üstünlikler arzuw edäýmek galýar* ("Türkmenistan").

**UMGA** [umğo], *at.*Dag goçy. *Gara bagrymny gan etdi, Umgaly, jerenli daglar* ("Görogly").

◊ **Umga ýaly** uly, daýaw. *Umga ýaly goýun.*

**UMMA** [umma:]**: ummadan çykmak** gaty daşa, juda uzaga gitmek. *Gyş ýeňsäni berip, ummaga gaçdy* (A. Kekilow).

**UMMAN** [umma:n], *at.***1**. Örän uly suwly giňişlik. *Guwwas bolup, bu ummana batmyşam* (Talyby). **2**. *ser.* Okean. **3**. *göç.m.* Ummasyz ägirt uly giňişlik.

**UMMASYZ** [umma:syz], *syp.* **1**. Çendenaşa, biçak, juda, örän, (köp, äpet, ägirt, giň). *Garagumda ummasyz giň köl emele geler.* **2**. Biçak uly, örän uly, köp. *Ol ummasyz baýlygyň eýesi bolupdyr.*

**UMUMAN** [umu:ma:n],"Esasan, aslyýetinde, jemläp aýdylanda" ýaly manylarda gelýän giriş sözi. *Ýol bar ugry bagly, derýaly-dagly, Umuman, saýlamak özüňe bagly* (G. Ezizow). *Umuman, bazar ykdysadyýetine geçmek ýeňil iş däldir* ("Türkmenistan").

**UMUMY** [umu:my], *syp.* **1**. Hemmeler üçin, hemmelere degişli, köpçülik üçin, köpçüligiň gatnaşmagynda bolan, ähli. *Ol diňe meniň şahsy düşünjäm däl, umumy halkyň islegi* (G. Kulyýew). *Hemmämiz üçin umumy häsiýet.* **2**. Ýönekeý, mesawy, durmuşy. *Aslynda meniň umumy ýasama bezeglere nähili garaýanymy özüň gowy bilýärsiň* (A. Gowşudow). **3**. Anyk bolmadyk. *Onuň boş, umumy gürrüň eden adamlara gahary geler eken* (Ö. Abdyllaýew).

◊ **Umumy ýaşaýyş jaýy** içindäki ýaşaýan otaglary aýry bolan köpçülikleýin ýaşalýan umumy jaý. *Talyplar üçin täze gurlan umumy ýaşaýyş jaýlary ulanmaga berildi.*

**UMUMYADAMZAT** [umu:ma:damza:t], *at.* Ähli adamlara mahsus, degişli. *Umumyadamzat gymmatlyklary. Umumyadamzat medeniýeti.*

**UMUMYBILIM** [umu:muvilim], *at.*Ýörite dälde, umumy bilim berýän.

**UMUMYHALK** [umu:muhalk], *syp.* Tutuş halk üçin umumy, ählihalk. *Umumyhalk meseleleri döwletimiziň sungatynda aýdyň, özboluşly çözgütlerini tapýar.*

**UMUMYLAŞDYRMAK** [umu:muloşdurmok], *işl.* **1**. Bir zady umumy ýagdaýa getirmek, jemlemek. **2**. Köpçülige degişli etmek. *Önümçilik kärhanalaryny umumylaşdyrmak.*

**UMUMYLAŞDYRYLMAK** [umu:muloşdurulmok], *işl.***1**. Bir zat umumy ýagdaýa geçirilmek, jemlenmek. **2**. Köpçülige degişli edilmek.

**UMUMYLYK** [umu:muluk], *at.* Umumy birlik, meňzeşlik, ýakynlyk.

**UMYDYGÄR** [umuýdyğä:r], *syp.* Birinden ýa-da bir zatdan umyt edýän, umyt baglaýan, tama edýän, umytly, tamakin. *"Bizden umydigärleriň alynyna barsyn" diýdi.*

**UMYDYGÄRLIK** [umuýdyğä:rlik / umuýdiğä:rlik], *at.* Umydygär bolmaklyk, umyt etmeklik, umytly, tamakin bolmaklyk. *Onynça Begenç gözüni çala açdy, ol Juma umydygärlik bilen garap, agaç kimin gatan dodaklaryny müňküldetdi* (G. Kulyýew).

**UMYT** [umuýt], *at.* Bir maksadyň, pikiriň, ýürekde bolan islegiň ýerine ýetmegine, amala aşmagyna bolan tama, arzuw, niýet.

◊ **Umytda bolmak** garaşylýan zadyň, niýet edilýän zadyň amala aşjagyna umytly bolup, dileg edip garaşmak.*Ondan ýaňa umydyň gyl ýuwdan ýaly bolsun* (A. Durdyýew). **Umydyň gyl ýuwdan ýaly bolmak** umydyň üzülmek, asla umyt etmezlik, tamakin bolmazlyk. **Umydyňy üzmek** umyt etmezlik, tama etmezlik, umydyň amala aşmajagyna, netije çykmajagyna göz ýetirmek. *Pähm eýlemez, ýol haýsydyr, yz haýsy, Umyt üzüp gaça bilmen, neýläýin?* (Magtymguly). **Umyt baglamak** birine ýa-da bir zada umyt bilen garamak, ynanmak, ynam bilen garaşmak, tama etmek. *Biz ýaşlara uly umyt baglaýarys.* **Umyt uçgunlary** arzuw-niýetiň amala aşmagyna bolan kiçijik tama. *Döwranda sagalmaga umyt uçgunlaryny oýardy* ("Watan").

**UMYT-ARZUW** [umuýd-arzuw], *at, ser.* **Umyt**.

**UMYTLANDYRMAK** [umuýtlonnurmok], *işl.* Bir işiň şowly çykmagy üçin birinde umyt, tama döretmek, umytly etmek. *Lukmanlar ony umytlandyrdylar* (A. Gowşudow).

**UMYTLANMA** [umuýtlonmo], *iş ady.* Umytlanmak ýagdaýy.

**UMYTLANMAK** [umuýtlonmok], *işl.* Maksadyň, arzuw-pikiriň ýerine ýetmegine, bir zadyň boljagyna umyt etmek, tama etmek, umyt baglamak. *Sadap hem Akmyradyň deminiň kä gidip, kä gelşine umytlanyp, pagtajyk bilen agzyna suw damdyryp otyrdy* (A. Durdyýew).

**UMYTLANYŞ** [umuýtlonuş], *iş ady.* Umytlanmak ýagdaýy.

**UMYTLY** [umuýtly], *syp.* **1**. Umyt bilen, tama bilen, ynam bilen, tamaly, ynamly, umydy bar bolan. *Umytly guş – Käbä ýetmiş* (Nakyl). **2**. Umyt baglanylýan, tama edilýän, ynam edilýän. *Şunda bolsa biziň uly umytly daýanjymyz atlylar bolmalydy* (A. Gowşudow). **3**. *gepl.d.* Göwreli, hamyla, ikigat, toýly. *Olaryň gelinleri umytlydy.*

**UMYTLY-ARZUWLY** [umuýtl(y)-arzuwly], *syp.* Hem umyt edýän, hem arzuw edýän, umydy hem arzuwy bolan.

**UMYTLYLYK** [umuýtluluk], *at.*Umydy barlyk, umytly bolmaklyk. *Umytlylyk bilen onuň ýüzüne seretdi* (A. Gowşudow).

**UMYTSYZ** [umuýssuz], *syp.* Umydy galmadyk, ynamy gutaran, näumyt, tamasyz, ynamsyz.

**UMYTSYZLANMA** [umuýssuzlonmo], *iş ady.* Umytsyzlanmak ýagdaýy.

**UMYTSYZLANMAK** [umuýssuzlonmok], *işl.* Umydyň gutarmak, umydyň üzülmek, näumyt bolmak. *Aýu kakasy, sen näme üçin umytsyzlanýarsyň!* (B. Kerbabaýew).

**UMYTSYZLANMAKLYK** [umuýssuzlonmokluk], *iş ady.* Umytsyzlanmak ýagdaýy.

**UMYTSYZLANYŞ** [umuýssuzlonuş], *iş ady.* Umytsyzlanmak ýagdaýy.

**UMYTSYZLYK** [umuýssuzluk], *at.* Umyt, tama, ynam galmazlyk, umydy ýokluk, näumytlyk, tamasyzlyk, ynamsyzlyk. *Sen haçan beýle umytsyzlyga ýüz urduň?* (B. Kerbabaýew).

**UN** [u:n], *at.* Arpa, bugdaý, jöwen we ş.m. galla däneleriniň degirmende üwelip çykarylan önümi. *Un üweýän degirmenleriň sazlaşykly çykýan owazlary hamyr ýugurýan maşynlaryň sesi bilen goşulyp, adama özboluşly bir lezzet berýär* ("Türkmenistan").

**UNAHYR** [u:na:hyr], *at.* Degirmende üwelen unuň toplanýan ýeri.

**UNAMA** [unomo], *iş ady.* Unamak ýagdaýy.

**UNAMAK** [unomok], *işl.* Dogry tapmak, makul bilmek, ýerlikli hasaplamak, oňlamak. *Ony başlyk bellemegi unaýan barmy?*

**UNAMAKLYK** [unomokluk], *iş ady.* Unamak ýagdaýy.

**UNAMAZLYK** [unomozluk], *iş ady.* Dogry, makul bilmezlik. *Olar toýy yza çekmegi unamadylar.*

**UNAŞ** [u:naş], *at.***1**. Ýuka ýaýylan hamyrdan inçejik hem uzyn-uzyn kesilen hamyr zolajyklary, aş. **2**. Şol hamyr zolajyklary jazly ýa-da gaýnap duran duzly suwa atylyp bişirilýän nahar. *Bugaryp durandyr gatykly unaş* (K. Gurbannepesow). *Men saňa bir burçluja unaş bişirip bereýin* (Ý. Mämmediýew).

**UNAŞLYK** [u:naşlyk], *syp.* Unaş üçin hamyr ýugrar ýaly (un hakynda). *Unaşlyk unumyz şu ýylky ak bugdaýyň unundan.*

**UNAŞMAK** [unoşmok], *işl.* Birnäçe bolup unamak.

**UNATMAK** [unotmok], *işl.* Başga birine dogry tapdyrmak, makullatmak. *Ilki bu işi müdirimize unatmaly.*

**UNAÝYŞ** [unoýuş], *iş ady.* Unamak ýagdaýy.

**UNIWERSITET** [universite:t], *at.* Dürli jemgyýetçilik, tebigat-matematika we beýleki bölümleri bolan ýokary okuw mekdebi we ylmy edara. *Uniwersitet ýyllary, hem ajy, hem süýji senden aýrylmak* (H. Kulyýew). *Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti. Uniwersitetde okamak.*

**UNLABERMEK** [u:nla :vermek], *işl.* Unlap başlamak.

**UNLAMA** [u:nlomo], *iş ady.* Unlamak ýagdaýy.

**UNLAMAK**[u:nlomok], *işl.* Un sepmek, un çalmak, una bulamak.

**UNLAMAKLYK** [u:nlomokluk], *iş ady.* Unlamak ýagdaýy.

**UNLAMAZLYK** [u:nlomozluk], *iş ady.* Un sepmezlik, una bulamazlyk.

**UNLANMAK** [u:nlonmok], *işl.* Bir zadyň üstüne, daşyna un sepilmek, una bulanmak. *Daglanjak balyklaryň daşy unlandy.*

**UNLATDYRMAK** [u:nlotdurmok], *işl.* Daşyna, üstüne un sepdirtmek.

**UNLATMAK** [u:nlotmok], *işl.* Daşyna un sepdirmek, una bulatmak.

**UNLAÝYŞ** [u:nloýuş], *iş ady.* Unlamak ýagdaýy.

**UNUDYLMAK** [unudulmok], *işl.* Ýatdan çykarylmak, huşdan çykarylmak. *Unudylmasyn dost-ýar, dogan-gardaşlar* (B. Hudaýnazarow).

**UNUDYŞ** [unuduş], *iş ady.* Unutmak ýagdaýy.

**UNUTDYRMAK** [unutdurmok], *işl.* Ýatdan çykartmak, öwrülip ýadyna düşmez ýaly etmek. *Onuň häzirki ýagdaýy öňki pikirleriniň baryny unutdyrdy* (B. Kerbabaýew).

**UNUTGYSYZ** [unutgusuz], *syp.* Ýatdan çykmajak, gelşiksiz, ýaramaz (söz hakynda). *Aýrylmaz goňşyňa unutgysyz söz aýtma* (Nakyl).

**UNUTMA** [unutmo], *iş ady.* Unutmak ýagdaýy.

**UNUTMAK** [unutmok], *işl.* Ýatdan çykarmak, huşdan çykarmak.

**UNUTMAKLYK** [unutmokluk], *iş ady.* Unutmak ýagdaýy.

**UNUTMAZLYK** [unutmozluk], *iş ady.* Ýatdan çykarmazlyk.

**UP-UZYN** [up-uzuýn], *syp.* Ep-esli uzyn, has uzyn. *Tüweleme, up-uzyn bolaýypsyň, oglum* ("Edebiýat we sungat").

**URA** [ura:], *üml.* **1**. Esgerler aýgytly hüjüme geçende, hemmeleri ruhlandyrýan çagyryş. *"Ura!" seslerinden ýer titreýärdi...* (K. Işanow). **2**. Ruhlandyryjy şatlygy, begenji, ruhubelentligi we ş.m. aňladýan joşgunly ses. *Ura, gelnalyjy gelýär!*

**URBA** [urvo], *at.* Ýaýylýan hamyra sepmek üçin hemişe kendirikde galdyrylýan un. *Ununda bolan urbasynda-da bolar* (Nakyl).

◊ **Urba çalmak** gelin, mal, maşyn ýaly zatlar edinilende bagtlysy, düşümlisi bolsun diýen maksat bilen çalynýan, sepilýän un. *Oglan tarapy gyz almaga gelende gudalar biri-biriniň ýüzüne urba çalýarlar* ("Edebiýat we sungat").

**URBALAMA** [urvolomo], *iş ady.* Urbalamak ýagdaýy.

**URBALAMAK** [urvolomok], *işl.***1**. Urba sepmek, urba çalmak, urba bulamak. **2**. Artmak, köpelmek (mal hakynda). *Tüweleme, dowarlarymyz urbalap gidip otyr.*

**URBALANMAK** [urvolonmok], *işl.* Urba çalynmak, urba sepilmek, urba bulanmak.

**URBALATMAK** [urvolotmok], *işl.* **1**. Urbalamak işini başga birine etdirmek. **2**. Köpeltmek, sanyny artdyrmak (mal hakynda).

**URBALYK** [urvoluk], *at.* **1**. Urba üçin goýlan un, kendirikde galýan un. *Ýöne welin, çuwalyň düýbünde galan urbalygymy kakyp-silkip, ýugrup bişiren bir tamdyr çöregime gynanýan* (A. Gowşudow). **2**. Köpelmek üçin goýulýan tohumlyk urkaçy, inen mal. *Urbalyk galan ýekeje inen düýämiz bardy.*

**URDURMAK** [urdurmok], *işl.* Biriniň urulmagyna ýa-da urmagyna sebäp bolmak, ýol bermek. *Özüňden kiçilere urduryp ýörme. Urduran bolsaň, özüňden gör.*

◊ **Urduryp gelmek (girmek)** haýdap, çalasyn gelmek, gözi ýok ýaly bolup girmek.

**URDURYLMAK** [urdurulmok], *işl.* **1**. Urulmagyna ýa-da urmagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Bu çaga urdurylýan çaga däldir.* **2**. *ser.* **Urdurmak.**

**URGAN** [urğon], *at.* Ýüňden, çöpürden, her hili süýümden işilip edilýän ýogyn, berk ýüp, tanap. *Başga zatlaryň gerek däl, maňa elli gulaç urgan tapyp beriň!* ("Türkmen halk ertekileri").

**URGY** [urğy], *at.* **1**. Güýçli sarsgyn, zarba, bir zadyň güýç bilen degmegi. *Güýçli urgudan ýaňa gapy sarsyp gitdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Jebir, sütem, görgi. *Bu habar biziň üçin-de agyr urgy boldy.*

**URHA-UR** [urha:-ur], *hal.* **1**. Alan-aldy, talaň, özlerine degişli däl zady aralarynda paýlaşma. *Artygyň harmanyny her kim urha-ur edip towsa göterdiler* (B. Kerbabaýew). **2**. Arak ýaly serhoş ediji içgileri içişlik.

**URHA-URLUK** [urha:-urluk], *at.* **1**. Köpçülikleýin alan-aldylyk. **2**. Birnäçe bolup çeniňi-çakyňy bilmän içmeklik.

**URKAÇY** [urkoçy], *syp.* Enelik jynsy bolan, ene jynsly (inen (düýe), maçy (eşek), ganjyk (it), mekejin (doňuz) we ş.m.

**URLUK**, *at.* **1**. Gawun çigidiniň daşyndaky löti, *Tohumlygynda bolsa, urlugynda dadar* (Nakyl). **2**. Tohum.

**URMA** [urmo], *iş ady.* Urmak ýagdaýy.

**URMAK** [urmok], *işl.* **1**. Bir zada batly degrip, agyry döretmek, urgy täsirini ýetirmek, urup birine şikes ýetirmek, ýeňçmek. *Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy* (Magtymguly). **2**. Bir zady kakmak, bir zadyň üstünden kakmak. *Ikisi birden güpürdedip darak urdy.* **3**. Atmak, atyp oky degirmek. *Hawa, atyp bilýän, men tüpeň atyp guş hem urdum* (A. Durdyýew). **4**. *göç.m.* Tankyt etmek, kemçiligini aýtmak, günäsini, etmişini ýüzüne basmak, köteklemek. *Düýnki ýygnakda ony gaty urdular.***5**. Ýüklemek, basmak, salmak (ýük hakynda). *Düýä ýük urmak.* **6**. *gepl.d.* Ýapmak, gulplamak, beklemek, gurmak. *Çyrany söndüriň-de, gapyny içinden urklamak.up oturyberiň.*7.*Urmak* kömekçi işliginiň öňünden atlar gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Azym urmak** azgyrylmak, haýbat atmak, güýjüňi görkezmek, üstüne sürünmek. **Duşak urmak** duşaklamak. *Aýagyna at duşagyny uruň.***Gadam urmak** dabaraly ýöremek, ädimlemek. **Kök urmak** köküni ýeriň asagyna ýaýratmak. **Kürek urmak** gaýygy küreкläp, herekete getirmek. **Möwç urmak** möwjemek, güýçlenmek, ýokary derejä ýetmek. **Naýza urmak** naýzalamak. **Perwaz urmak** ganat kakmak, ýokarda uçmak; biriniň daşynda perwaz bolup uçmak. **Ýük urmak** ýük ýüklemek. **Ýürek urmak** ýüregi işlemek. **Sowuk urmak** aýazly howada ösümliklere sowuk degip, ýapraklary jansyzlanyp guramak. **Zarba urmak** boýun egdirmek, agdarmak, ýumurmak, ýeňmek maksady bilen güýçli çozuşy amala aşyrmak, zabt etmek.

◊ **Urup aglamak** etjegiňi edip mönsüremek, haýýarlyga salmak, aýbyňy ýaşyrjak bolup gaçalak etmek, öňürtjek bolmak. **Urup çykmak** özüňi oňarmak, başyňy çaramak, kişi kömegine zar bolmazlyk. *Gör-de dur, seň gyzyň hem bir ýerden urup çykar* (N. Pomma). **Urup girmek** gözi ýok ýaly çalt girmek, hiç zadyň pikirini etmän, göni girmek.

*Töweregine gözüni elek-çelek edip, ol çaýhana urup girdi* (A. Geldiýew).

**URNA** [urno], *at.* **1**. Tikilýän geýimlik mata azlyk edende urulýan bölek mata. *Begresiň çykmasa, özüne meňzeş matadan urna edäýerler.* **2**. *göç.m.* Öňki işiň, aladaň üstüne goşulýan alada, iş. *Bu-da urna bolup, birleşse bary, Bagyşlaň, elbetde, men günäkäri* (A. Kekilow).

◊ **Urnanyň üstünde durna** artykmaç (dert, azar).

**URNABERMEK** [urna:vermek], *işl.* Urnap başlamak.

**URNALMAK** [urnolmok], *işl.* Tikilýän geýime urna urulmak.

**URNALY** [urnoly], *syp.* Köp urna urlan.

**URNALYK** [urnoluk], *syp.* Tikilýän geýime urna etmek üçin (bölek mata), urna üçin, urna bolar ýaly ýetne.

**URNAMA** [urnomo], *iş ady.* Urnamak ýagdaýy.

**URNAMAK** [urnomok], *işl.* **1**. Tikilýän geýime urna etmek, urna urmak, urna urup tikmek. *Ýorgan daşlyga urna urnamak.* **2**. *göç.m.* Öňkiniň üstüne goşmak, öňkiň üstüne birikdirmek, artdyrmak, *Üsti-üstüne urnap paýlasak, her kime ep-esli ýetjek.*

**URNAMAKLYK** [urnomokluk], *iş ady.* Urnamak ýagdaýy.

**URNAMAZLYK** [urnomozluk], *iş ady.* Urna urmazlyk.

**URNAŞDYRMAK** [urnoşdurmok], *işl.* Hemmesine yzly-yzyna urnap çykmak, urna uruşdyrmak.

**URNAŞMAK** [urnoşmok], *işl.* **1**. Urna uruşmak. **2**. Öňkiň üstüne goşmaça bolmak. *Wagt geçmän, söz söze, setir setire urnaşyp, ilki beýtler beýnide peýda bolupdy* (G. Kulyýew).

**URNAŞYK** [urnoşuk], *at.* Yzly-yzyna, gezekli-gezegine baryş. *Pylanynyň gowy gyzy barmyş, üsti uly urnaşyk diýýärler, sawçylaryň yzy üzülenokmyş.*

**URNATMAK** [urnotmok], *işl.* Urnamak işini başga birine etdirmek.

**URNAÝYŞ** [urnoýuş], *iş ady.* Urnamak ýagdaýy.

**URP-ADAT** [urp-a:dat], *at,* Jemgyýetçilik ahlagynyň hemmeler tarapyndan kabul edilen, gadymdan däp bolup galan tertip-düzgüni, däp-dessur.

**URPAK** [urpok], *at.* Küpürsäp ýatan çägedir topur gatyşykly ýumşak ýer. *Urpaklar sabap, maşyn düzlüge düşdi* (B. Gurbanow). *Ak urpaga berip ýanyn, Tüýdük çalýar çopan oglan* (M. Seýidow).

**URPAKLY** [urpokly], *syp.* Urpakdan ybarat bolan. *Urpakly meýdan.*

**URPAKLYK** [urpokluk], *at.* Urpak topragyň köp ýeri, tutuş urpak bolup ýatan ýer. *Selinli, ownuk sazakly urpaklyk.*

**URPAK-URPAK** [urpoğ-urpok], *syp.* Köp urpakly, giden bölek-bölek urpakly ýer. *Olar ýene ýarym sagat çemesi ýöränlerinden soň, urpak-urpak gumsalt meýdana çykdylar* (B. Kerbabaýew).

**URŞAGAN** [urşoğon], *syp., gepl.d., ser.* **Uruşgan**

**URŞAGANLYK** [urşoğonluk], *at, ser.* **Uruşganlyk**

**URŞUBERMEK** [urşuvermek], *işl.* Urşup başlamak; urşa girişmek.

**URŞUJY,***at.* Urşa, söweşe gatnaşyjy, söweşiji. *Ol ýaraly düşen urşujynyň sesidi* (A. Gowşudow).

**UR-TUT,***hal.* Şol bada, salymyny bermän, haýdan-haý; ýüzüniň ugruna, birden, tiz, çalt. *Men Aýsoltanyň gyzy Ogulhallyny ur-tut gelin edinjek-de oturyberjek* (N. Saryhanow).

**URUG** [uru:ğ], *at.* **1**. Bir ata-babadan, bir nesilden gelip çykan, dörän adamlar topary. *Garyndaşym – gara gazanym, Urugym – unly çuwalym* (Halk döredijiliginden). **2**. *taryh.* Adamzat ýaşaýşynda özara gan garyndaşlygy bolan adamlardan ybarat ilkinji esasy birleşik.

**URUGÇYLYK** [uru:ğçuluk], **1**. *at.* Adamzat ýaşaýşynda irki döwürlerdäki uruglar arasyndaky gatnaşyk. **2**. Uruglara mahsus bolan, häsiýetli bolan (däp, garaýyşlar we ş.m.).

**URUGDAŞ** [uru:ğdoş], *syp.* Bir urugdan bolan, urugy bir bolan. *Urugdaşlar hemme zatda bir-birlerine kömek bermeli bolupdyrlar.*

**URUG-TAÝPA** [uru:ğ-ta:ýpa], *at, ser.* **Urug-tire.** *Urug-taýpa gatnaşyklary.*

**URUG-TIRE** [uru:ğ-ti:re], *at.* Urug we tire, bir ata-babadan emele gelen nesiller, garyndaşlyk toparlary, urug-taýpa.

**URULMAK** [urulmok], *işl.* **1**. Ýenjilmek, özüňi ýençdirmek, urdurmak. *Sögülse-de, urulsa-da, kaýyl bolup otyrdy* (N. Saryhanow). **2**. Bir zat bilen tarkyldadyp kakylmak. *Gapynyň urluşyndan, Çerkeziň çasly sesinden haýygan Sazak işigi içki geýiminde gelip açdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Atylan ok degmek. *Görogly beg, saba söweş gurular, Ozal goç ýigidiň aty urular* ("Görogly"). **4**. Ýük basylmak, ýüklenilmek. *...Kerweniň ýüki uruldy* (H. Garabaýew). **5**. *göç.m.* Ogurlanmak, talanmak. *Gazna uruldy, öýi talandy, Ne anda bir akyl, ne-de huş galdy* (Magtymguly). **6**. Bat bilen bir zada degmek. *Bürgüt baryp atyň kellesine uruldy* (O. Ödäýew). **7**. *göç m.* Tankyt edilmek, ýazgarylmak. **8**. Başga bir zadyň hasabyna geçirilip galplaşdyrylmak. *Satylan ýeralmalar çüýrän önümleriň hasabyna uruldy.*

**URUNDYRMAK** [urunnurmok], *işl.* **1**. Güýçli agyry we ş.m. sebäpli çabalandyrmak, azap çekdirmek. **2**. Bir sebäp bilen birini iki-baka elewretmek, aýlandyrmak. *Bergisi ony gapy-gapy urundyrdy.*

**URUNMAK** [urunmok], *işl.* **1**. Ýarawsyzlyk we ş.m. sebäpli çabalanmak, azap çekmek. *Gözüniň yzasyna çydap bilmän urundy* (O. Ödäýew). **2**. *göç.m.* Bir işi ýerine ýetirmegiň ýa-da bir zady edinjek bolmagyň ugrunda howlukmaçlyk bilen çykalga tapjak bolup ylgamak, elewremek. *Onuň elinde açar bar eken, ol şykyrdadyp, açjak bolup urundy* (B. Seýtäkow).

**URUPGAÇDY** [urupgaşdy], *at.* Oglan-gyzlaryň garyşyp oýnaýan milli oýny. *Urupgaçdy kiçi ýaşly mekdep okuwçylary üçin niýetlenen çalt hereketli çaga oýunlarynyň biridir.*

**URUŞ**, *at.* **1**. Sögüşmek, ýakalaşmak, ýumruklaşmak bilen ýüze çykýan dawa, gopgun, jenjel, uruş-sögüş. *Uruş, sögüş, ýaraşyga ýer goý* (Nakyl). *Bu gün uruş ýaman boldy* ("Görogly"). **2**. Döwletler arasyndaky ýaragly söweş, jeň. *Geçen uruşda wepat bolanlaryň ählisi Türkmenistanyň milli Gahrymany diýlip yglan edildi* ("Türkmenistan").

◊ **Urşuň geňeşi ýok** işe girişibermeli, garaşmagyň geregi ýok, maslahatlaşmagyň näme hajaty bar. *"Urşuň geňeşi ýok" diýipdirler, ir günümizi gijikdirmän, bag ekmäge başlalyň!*

**URUŞ-ÇYKYLYK** [uruş-çy:kylyk / uruş-şy:kylyk ], *at.* Uruş, uruş-jenjel. *Gülala günümiz bar, uruş-çykylyk bolmasa bolýar.*

**URUŞDYRMAK** [uruşdurmok], *işl.* **1**. Iki adamy biri-biri bilen ýakalaşdyrmak. *Çagalary biri-birleri bilen uruşdyrmak bolmaz.* **2**. Döwletler arasynda ýaragly çaknyşyk döretmek. **3**. Güýç synanyşdyrmak üçin garpyşdyrmak, süsüşdirmek (haýwanlar hakynda). *Itleri uruşdyrmak. Horazlary uruşdyrmak.* **4**. Çem gelen zady urup, döwüp, ýykyşdyryp çykmak. *Ol uruşdyryp gelşine, onuň çarygynyň apgyrdyndan basdy* (N. Saryhanow).

**URUŞGAN** [uruşğon], *syp.* **1**. Uruşmaga ökde, urmagyň tilsimlerine ökdelän. *Bä, meň kakam şeýle uruşgan boldumyka?* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Uruşmaga, ýakalaşmaga endik eden. *Bir bezzat uruşgan adam bolupdyr* (A. Salyh).

**URUŞGANLYK** [uruşğonluk], *at.* **1**. Uruşmaga ökdelik. *Şol söweşde biziň esgerlerimiziň uruşganlygyna haýran galypdyrlar.* **2**. *gepl.d.* Uruşgan halda bolmaklyk, uruşmaga meýillilik, yrsarap urşasy gelip duraganlyk. *Oglum, uruşganlyk erbet gylykdyr.*

**URUŞ-JENJEL,***at.* Adamlar arasynda närazylyk zerarly döreýän uruş we galmagal. *Ozal hem uruş-jenjel bilen ol janawerleriň örüsini daraltdyk* ("Edebiýat we sungat").

**URUŞ-JEŇ,** *at, ser.* **Uruş 2**.

**URUŞMA** [uruşmo], *iş ady.* Uruşmak ýagdaýy.

**URUŞMAK** [uruşmok] **I**, *işl.* **1**. Biri-biriňi urmak. *Iki adam uruşsa, öter ýaly ýol berme, Birisine gep berip, ol birine al berme* (Mollanepes). *Men hiç wagtda bularyň urşanlarynam göremok, sögüşenlerinem eşidemok* (B. Kerbabaýew). **2**. Goşun jemläp, başga bir döwletiň goşuny bilen ýaragly söweşmek, uruş etmek. *Gelip bir meýdan naýzalaşyp, gylyçlaşyp uruşdylar* ("Görogly"). **3**. Garpyşyp biri-birini pugta çeýnemek, dişlemek (it we ş, m. haýwan hakynda). *Itler dikleşip, urşup başladylar.*

◊ **Urşup aýrylyşan ýaly** biri-biriniň ýüzüne seretmeýän, okly-gökli ýaly torsarylýan. *Ol urşup aýrylyşan ýaly ýüzüni kese sowup geçiberdi* (B. Öwezow).

**URUŞMAK** [uruşmok] **II**, *işl.***1**. Urmaga kömek etmek. *Atamamyň ýeke özüne kyn bolansoň, düýesine ýük uruşdym.* **2**. Bilelikde urmak. *Olar düýä ýük urşup durlar.*

**URUŞMAKLYK** [uruşmokluk] **I**, **II**, *iş ady.* Uruşmak ýagdaýy.

**URUŞMAZLYK** [uruşmozluk] **I**, **II**, *iş ady.* Urşup durmazlyk; uruş etmezlik.

**URUŞPARAZ**, *at.* Urşuň tarapdary, uruş isleýän, uruş meýilli. *Biziň halkymyz hiç haçanam uruşparaz halk bolmandyr.*

**URUŞ-SÖGÜŞ** [uruş-sö:ğüş], *at.* Adamlar arasynda närazylyk sebäpli döreýän uruş hem sögüş. *Oňa uruş-sögüşiň adam üçin gaty erbetdigini düşündirjek boldum* (N. Pomma).

**URUŞSYZ** [uruşsuz], **1**. *hal.* Uruş etmezden. *Ol şeýle bir ýakymsyz, güni uruşsyz geçenok.* **2**. *syp.* Uruş bolmadyk. *Uruşsyz ýaşaýyş.*

**URY,** *at,* Bugdaý, arpa ýaly däne gömlüp saklanýan çukur. *Gallaň agyrlyk etse, ury gazdyryp ýere göm!* (B. Seýtäkow). *Hatar-hatar urularyň, Suwamaga laý ýetmedi* (K. Gurbannepesow).

**USLYP** [usluýp], *syp.* Adamyň gylyk-häsiýetine, ahlagyna gelşikli, ýerlikli, ýaraşykly bolan. *Şu bolşuň uslypmydyr özüňe, Utançdan-haýadan hiç zat ýok sende* (A. Salyh).

◊ **Uslyp bilmezlik (görmezlik)** gelşiksiz, ýaraşyksyz hasaplamak, laýyk hasaplamazlyk, ýerliksiz hasap etmeklik. *Emma gojadan gaçmany özüne uslyp bilmäni üçin, öňki ýerinde oturdy, goja ýanyna gelende, salam berdi* (B. Kerbabaýew).

**USLYPSYZ** [usluýpsuz], *syp.* Gelşiksiz, ýerliksiz, ýaraşyksyz. *Uslypsyz aýdylan söz.*

**USLYPSYZLYK** [usluýpsuzluk], *at.* Uslyby ýokluk, uslypsyz bolmazlyk.

**USSA** [usso], *at.* **1**. Önümçiligiň belli bir ugrundan hünäri bolan işçi. *Bu gün hem gün ikindi ýerine baran mahaly, obanyň orta gürpündäki demirçi ussanyň dükanynyň töwereginde janly hereket başlandy* (A. Gowşudow). **2**. Oglana dakylýan at.

**USSAÇYLYK** [ussoçuluk] , *at.* Ussanyň işi, käri, ýagdaýy.*Şol ýerde iki sany oglan ussaçylyk edýärdi* (B. Kerbabaýew).

**USSAHANA** [ussoha:na], *at.* Her hili senetçilige degişli zatlar ýasalýan, bejerilýän jaý, ussaçylyk edilýän ýer. *Magtymguly wagtynyň galanyny ussahanada, şonuň bilen bile işläp geçirýärdi* (G. Kulyýew).

**USSALYK** [ussoluk], *at.* **1**. Ussanyň kesp-käri, hünäri. *Çoýan ak ýürekden işläp, Ussalyk deňine ýetdi* (R. Seýidow). *Dursun ussalyk hünäriň, Başdan saýlap tutan käriň* (Nury Annagylyç). *Ýeri, ussalyga belläýsek, göwnärsiň gerek?* (Ş. Borjakow). **2**. *syp.* Ussa dahylly, ussa bilen bagly. *Meniň ussalyk işim bar, pilimiň döwlen gulagyny bejertmeli.*

**USSAT** [ussa:t], *at.* **1**. Hemme işi ökdelik bilen ýerine ýetirýän; ökde hünärmen. **2**. *syp.* Başarnykly, ukyply, işine ökde. *Gurçuk tutmagy ussat aýallara tabşyrmaly* (A. Gowşudow).

**USSATLARÇA** [ussa:tlarça], *hal.* Ökdelik bilen, ukyplylyk bilen.

**USSATLYK** [ussa:tlyk], *at.* Her bir işe hötde gelip bilmeklik, işe ökdelik, iş başarjaňlyk.

**USUL** [usu:l], *at.* Bir işi etmekligiň täri, ugry, ýoly. *Gaýtalap ekmeklik topragy gurplandyrmagyň ygtybarly usullarynyň biridir.*

**USUL: usul bilen** *ser.* **Usullyk bilen**.

**USULLY,** *syp.* Bir iş edende başarnykly, başarjaňlygy bolan, ukyply, seresap gymyldaýan, seresap hereket edýän. *Usully maşgala.*

**USULLYK** [usulluk]**: usullyk bilen** ýuwaşja, emaý bilen, seresaplyk bilen. *Garry gapa tarap usullyk bilen ýöredi* (N. Saryhanow).

**USULLYLYK** [usulluluk], *at.* Usuly barlyk, usully bolmaklyk.

**USULSYZ** [usulsuz], *syp.* Usuly ýok, usuly bolmadyk. *Usulsyz adam.*

**USULSYZLYK** [usulsuzluk], *at.*Usuly ýokluk, usully bolmazlyk, usully dällik, usulsyz bolmaklyk.*Sähel usulsyzlyk zerarly käsäni elinden gaçyryp döwdi.*

**USULYÝET** [usu:luýet], *at.* Bir zady ylmy taýdan derňemegiň ýa-da tejribe arkaly amala aşyrmagyň täri, usuly.

**USULYÝETÇI** [usu:luýetçi], *at.* Usulyýeti özleşdiriji, bir ders boýunça tejribeli, ussat tejribeçi. *Usulyýetçi mugallym.*

**USURGABERMEK** [usurğa:vermek], *işl.* Usurgap başlamak.

**USURGAMA** [usurğomo], *iş ady.* Usurgamak ýagdaýy.

**USURGAMAK** [usurğomok], *işl.* Dürli sebäbe görä, tapdan düşüp, ýarym ukuly ýatmak, surnugyp irkilmek, ýatmak. *Soňabakalar-a boglup üsgürmesem galdy, usurgap bir zatlar samramany çykardy* (R. Gelenow).

**USURGAŞMAK** [usurğoşmok], *işl.* Birnäçe bolup usurgamak.

**USURGATMAK** [usurğotmok], *işl.* Usurgar ýaly etmek, usurgamak katdyna ýetirmek. *Öýüň hysyrdyly işi ony usurgatdy.*

**USURGAÝYŞ** [usurğoýuş], *iş ady.* Usurgamak ýagdaýy.

**UŞAK** [uşok] **I**, *syp., ser.* **Ownuk.** *Goýun bolsa uşak malyň, Peýdasyna ýüň getirer* (Mätäji).

**UŞAK** [uşok] **II**, *at.* Çaga, bala, perzent *Kürresi elinden gitse eşegiň, Telmirip tört ýana gözlär uşagyn* (Magtymguly).

**UŞAK-DÜŞEK** [uşok-düşök], *syp.* **1**. *ser.* **Ownuk-uşak**. *Uşak-düşek kerpiç bölekleri.* **2**. Ähmiýetsiz, netijesiz, girdejisi uly bolmadyk (iş, kär hakynda). *Gapyl adam, gam astynda ýatyp sen, Ötdi ömrüň uşak-düşek kär bile* (Magtymguly).

**UŞAKGÖZ** [uşokgöz]: **uşakgözelek** ownuk gözli elek, syk elek.

**UŞATMAK** [uşotmok], *işl.* **1.** Döwmek, kül-uşak etmek, kül etmek, owratmak.*Magtymguly, halkdan syryn gizlese, Dişini uşadyň ýalan sözlese!* (Magtymguly). **2**. *gepl.d.* Iri puly bölmek, owratmak, ownutmak. *Onlugy uşatmak.*

**UŞBU,** *k.d.* "Bu, şu" manysyndaky görkezme çalyşmasy. *Gul Hoja Ahmet Ýasawynyň uşbu sözi, Ajap ermes bakyp birden görer gözi* (Hoja Ahmet Ýasawy).

**UŞLYP** [u:şluýp], *at.* Ýaz ýüňüniň uzyn süýümlilerinden egrilip taýýarlanan inçe ýüp, sapak. *Kimiň näçe getireni uşlyba düzülen monjuk ýaly hemmesiniň hasaby bardyr* (B. Kerbabaýew).

◊ **Uşlyp ýaly bolmak** horlanmak, iglemek. **Uşlyp ýaly** azajyk, sähelçe. *Öýünde bolsa uşlyp ýaly zadyny goýman, çuwala saldyryp, gaça-gaçlyk bolsa yza galjak gümany ýok* (A. Durdyýew). *Maňa uçlyp ýaly zadyňy-da rowa gören dälsiň.*

**UTANÇ** [utonç], *at.* **1**. Adamyň tebigatynda bolan çekinjeňlik, ýygralyk duýgusy, haýa, uýat, utanç-haýa. *Gyzyň ýüzi şatlykdanmy, utançdanmy, boz-ýaz bolupdy* (G. Kulyýew). **2**. Adamkärçilige sygmaýan, masgaraçylykly ýagdaý, aýyp. *Söz berip, sözüňde tapylmazlyk utanç dälmidir?!*

**UTANÇ-HAÝA** [utonç-haýa:], *at.* **1**. *ser.* **Utanç 1. 2**. *ser.* **Utanç 2**. *Sende utanç-haýa bolmazmy?*

**UTANÇLY** [utonuşly], *syp.***1**. Utanç iş eden, aýyp iş eden, aýyply. **2**. Adamkärçilige sygmaýan, masgaraçylykly, aýyply, gelşiksiz. *Onsoňam munuň özi bizi örän utançly ýagdaýda goýdy* (Ý. Mämmediýew).

**UTANÇSYZ** [utonuşsuz], *syp.* Utanjy bolmadyk, haýasyz, uýatsyz, ejapsyz. *Utançsyz, haýasyz ol ýüzi gara, Hut özi kowanmyş gelen bendäni* (A. Kekilow).

**UTANÇSYZLYK** [utonuşsuzluk], *at.* Utanjy ýokluk, utançsyz bolmaklyk. *Heý-de şeýdip durmak bolarmy, nähili utançsyzlyk!* (N. Saryhanow).

**UTANDYRMAK** [utonnurmok], *işl.* Birini belli bir sebäbe görä uýaldyrmak, utanar ýaly etmek. *Ol gelen myhmany utandyrmak islemedi* (Ö. Abdyllaýew).

**UTANJAŇ** [utonjoň], *syp.* Ýygra, çekinjeň, uýaljaň. *Ol daşyndan utanjaň ýaly bolup görünse-de, märekeman, gepi-sözi ýerinde bolan adamdy* (B. Seýtäkow).

**UTANJAŇLYK** [utonjoňluk], *at,* Ýygralyk, çekinjeňlik, uýaljaňlyk. *Ol özüniň üstünden gülünýändir öýdüp, utanjaňlyk bilen ýere bakdy* (G. Kulyýew).

**UTANJYRAMA** [utonjuromo], *iş ady.* Utanjyramak ýagdaýy.

**UTANJYRAMAK** [utonjuromok], *işl.* Çalaja utanmak, çalarak uýalmak, ýygryljyramak. *Ikisi-de utanjyrap, Birden seretdiler ýere* (R. Seýidow).

**UTANJYRAMAKLYK** [utonjuromokluk], *iş ady.* Utanjyramak ýagdaýy.

**UTANJYRAŞMAK** [utonjuroşmok], *işl.* Köplük bolup utanjyramak, uýaljyraşmak. *Gyzlar utanjyraşyp, bir çetde durdular.*

**UTANJYRAÝYŞ***[utonjuroýuş],* *iş ady.* Utanjyramak ýagdaýy.

**UTANMAKLYK** [utonmokluk], *iş ady.* Utanmak ýagdaýy.

**UTANMAZ** [utonmoz], *syp.* Utançsyz, utanjy bolmadyk, utanç perdesini ýüzünden syran.

**UTANMAZAK** [utonmozok], *syp.* Utanmaýan, utanç-haýany bilmeýän, uýalmazak. *Utanmazak oglan.*

**UTANMAZLYK** [utonmozluk], *iş ady.* Utanyp durmazlyk.

**UTANYBERMEK** [utonuvermek], *işl.* Utanyp başlamak, uýalybermek. *Bu ýerde utanyberer ýaly zat ýok.*

**UTANYŞ** [utonuş], *iş ady.* Utanmak ýagdaýy.

**UTANYŞMAK** [utonuşmok], *işl.* Birnäçe adam bilelikde utanmak. *Olar özleriniň ýalan sözleýändiklerine utanyşyp, biraz dymyp durdular.*

**UTAŇKYRLAMAK** [utoňkurlomok], *işl.* Utmaga golaýlamak, utmaga az galmak. *Men ony küştde utaňkyrlap barýardym.*

**UTDURMAK** [utdurmok], *işl.* **1**. Oýunda utulyşa sezewar bolmak. *Myhmanlaryň oýunçylary 2:1 hasabynda utdurdylar.* **2**. *Göç.m.* Şowsuzlyga sezewar bolmak, ýeňilmek. *Sen bu meselede utdurarsyň!*

**UTDURYŞ** [utduruş],*iş ady.* Utdurmak ýagdaýy.

**UTGAMAK** [utgomok], *işl.* **1**. Bir zady ikinji bir zat bilen sepleşdirmek, birleşdirmek, goşmak. **2**. Bir işi, meseläni ikinji bir zat bilen baglanyşdyrmak.

**UTGAŞDYRMAK** [utgoşdurmok], *işl.* Birikdirmek, birleşdirmek, sepleşdirmek, gabat getirmek. *Batyrlygy başarjaňlyk bilen utgaşdyrmak hem her kime ýetdirenok* (Ş. Borjakow). *Ylym bilen önümçilik utgaşmalydyr.*

**UTGAŞDYRYJY** [utgoşdurujy], *at.* **1**. Bir zady ikinji zat bilen sepleşdirýän, birleşdirýän. *Adamlaryň kömek üçin ýüz tutmalary utgaşdyryjy toparlara ynamyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär* ("Türkmenistan"). **2**. Bir işi, meseläni ikinji bir zat bilen baglaýan.

**UTGAŞDYRYLMAK** [utgoşdurulmok], *işl.* Birikdirilmek, birleşdirilmek, sepleşdirilmek, dogry getirilmek. *Ýerleri tekizlemek we suwarmak utgaşdyrylyp alnyp barylýar.*

**UTGAŞMA** [utgoşmo], *iş ady.* Utgaşmak ýagdaýy.

**UTGAŞMAK** [utgoşmok], *işl.* Birikmek, birleşmek, gabat gelmek. *Heýkelleriň topary we baglar bilen utgaşyp gidýän suw çuwdürimleri durky täzelenen bu ýoly şäheriň ajaýyp künjegine öwürýär* ("Türkmenistan").

**UTGAŞMAKLYK** [utgoşmokluk], *iş ady.* Utgaşmak ýagdaýy.

**UTGAŞMAZLYK** [utgoşmozluk], *iş ady.* Utgaşmak işi ýerine ýetirilmezlik,

**UTGAŞYK** [utgoşuk], *syp,* Biri-birine utgaşan, birigen, yzly-yzyna goşulan, birigip, goşulyp giden; ýanaşyk, degşir, degiş-degiş. *Biri-birine utgaşyk gurulýan belent binalar şäheriň görküne görk goşýar.*

**UTGAŞYKLY** [utgoşukly], *syp.* Utgaşygy bolan, sazlaşykly. *Gowaçalary kadaly iýmitlendirmek, suwarmak, bejermek işleri utgaşykly alnyp barylýar.*

**UTGAŞYKLYLYK** [utgoşukluluk], *at.* Utgaşykly ýagdaýda bolmaklyk.

**UTMA** [utmo], *iş ady.* Utmak ýagdaýy.

**UTMAK** [utmok], *işl.* **1**. Oýunda, ýaryşda, göreşde, bäsleşikde we ş.m. garşydaşyňy ýeňmek, garşydaşyňdan ökde gelmek, üstün çykmak. *"Nähili ýol bilenem bolsa ut, emma utulma" diýip, käýinip öwüt berdi* (A. Gowşudow). **2**. Utuşly kagyzlara we ş.m. utuş düşmek. *Goýumçy utaryn diýen umyt bilen goýum goýýar.* **3**. *göç. m,* Üstünlik gazanmak, ýeňmek.

**UTMAKLYK** [utmokluk], *iş ady.* Utmak ýagdaýy.

**UTMAZLYK** [utmozluk], *iş ady.* Utup bilmezlik, utmak miýesser etmezlik.

**UTUK,** *at.* **1**. Oýunda, ýaryşda her tapgyrdaky gazanylýan ýeňiş, utuş. *Onuň utuk sany hem beýleki oglanlaryňkydan kändi* (K. Jumaýew). **2**. Dürli ýaryşlarda gazanylýan üstünlige san birliginde berilýän baha. *Biziň oýunçylarymyz ýene bir utuk gazandylar. Ol on döwden on utuk gazanyp, birinjiligi eýeledi.*

**UTULMAK** [utulmok], *işl.* Oýunda, ýaryşda we ş.m. ýeňilmek. *Oýunçy utulanyny bilse ýagşy* (Nakyl).

**UTULMAZLYK** [utulmozluk], *iş ady.* Oýunda, ýaryşda ýeňilmezlik.

**UTULYŞYLMAZLYK** [utuluşulmozluk], *iş ady.* Oýun ahyryna çenli taraplaryň hiç biriniň utmagyna getirmän tamamlanmak.

**UTUN,** *at.* Çarh oturtmak üçin guýynyň agzynyň iki gapdalyna dikilýän agaç.

**UTUŞ,** **1.** *iş ady.* Utmak ýagdaýy. **2**. Oýunda, ýaryşda we ş.m. gazanylýan ýeňiş. *Bu pagtaçy üçin uly utuşdyr* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Utuşly kagyzlar we ş.m. oýnalanda düşýän pul, zat. *Goýumçylar öz goýumlary boýunça uly utuş gazandylar.*

**UTUŞDYRMAK** [utuşdurmok], *işl.* Oýunda garşydaşlaryň hemmesini utup çykmak, ýeke-ýekeden ýeňmek, *Küştde öz garşydaşlaryňy utuşdyrmak.*

**UTUŞLY,***syp.* Utmaga hukuk berýän, utmak mümkinçiligi bolan. *Utuşly goýum.*

**UTUŞMAK** [utuşmok], *işl.* Oýunda taraplaryň haýsy-da bolsa birine utmaga kömekleşmek.

**UW,** *üml.* Çydap bolmajak agyry sebäpli näsagdan, şeýle hem it, şagal, möjek ýaly haýwanlaryň dowamly gygyrmagy netijesinde ýüze çykýan ses.

**UWJAMAK** [uwjomok]: **eliňi uwjap oturmak** iş etmän, gol gowşuryp oturmak. *Eliňi uwjap oturaňsoň nalaç bolup, özleri edýändirler* (R. Allanazarow).

**UWJUK,** *at.* **1**. Ownuk däneli jöweniň bir görnüşi. **2**. Bişip ýetişmedik jöweniň başy. **3**. Gallanyň galyndysy. **4**. Tüwiniň ownugy.

**UWLABERMEK** [uwla:vermek], *işl.* Uwlap başlamak. *Ol içini tutdy-da uwlaberdi.*

**UWLAMA** [uwlomo], *iş ady.* Uwlamak ýagdaýy.

**UWLAMAK** [uwlomok], *işl.,ser.* **Uwwuldamak.** *Dili bir garyş süýnen möjek uzyn gulaklaryny ýapyryp, naýynjar ses bilen uwlapdyr* (B.

Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Zaryn aglamak, naýynjar ses bilen aglamak. *Ol ýüzüni çuwala berip, uly ili bilen uwlady* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Uwwuldyly ses etmek, uwwuldyly ses bilen ösmek (ýel we ş.m. hakynda). *Şemal göýä ähli aýazlary tamyň içine gapgarjak bolýan ýaly, özüni bat bilen penjirä urup, aýylganç ses bilen uwlaýardy* (B. Pürliýew). **4**. *göç.m.* Ökünmek, puşman etmek. *Ulynyň diýenini etmedik uwlar* (Nakyl).

◊ **Uwlap gitmek** giderilmek, ýerliksiz harç bolmak. *Satyn alan sygrym gurruk çykdy – oňly süýt bermeýän eken, şeýdip ýygnanja pulumam uwlap gitdi.*

**UWLAMAZLYK** [uwlomozluk], *iş ady.* Uwlap ses etmek.

**UWLAŞMAK** [uwloşmok], *işl.* **1**. *ser.* **Uwwuldaşmak.** *Tutçulykdan uwlaşýan şagallaryň sesi gelýärdi.* **2**. *göç m.* Köp bolup zarynlap aglamak.

**UWLATMAK** [uwlotmok], *işl.* **1**. Uwwuldyly ses çykartmak, seslendirmek. **2**. *göç.m.* Birini zaryn sesli aglatmak.

**UWLAÝYŞ** [uwloýuş], *iş ady.* Uwlamak ýagdaýy.

**UWLUNDYRMAK** [uwlunnurmok], *işl.* Uwlunar ýaly etmek.

**UWLUNMAK** [uwlunmok], *işl.* Urgy sebäpli bir ýeriňde güýçli agyry döremek.

**UWULMA** [uwulmo], *at,* Çagalaryň agzynyň nemli bardasynda emele gelýän ýaranyň bir görnüşi.

**UWWULDAMAK** [uwwullomok], *işl.* Uwwluldyly ses etmek, uwwuldyly ses çykarmak.

**UWWULDAŞMAK** [uwwulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup uwwuldamak, köp bolup uwwuldamak. *Tokaýda möjekler uwwuldaşýardy.*

**UWWULDY** [uwwully], *at.* Käbir haýwanlaryň (it, möjek, şagal we ş.m.) sesini sokduryp gygyrmagy netijesinde döreýän sesiň ady. *Şonuň içinden geçip barýardy weli, bir uwwuldy peýda boldy* (Ertekilerden).

**UÝA** [uýo] **,** *at.* **1**. Aýal dogan. *Men ony uýam bolany üçin däl-de, sada, dogumly gyz bolany üçin öwýärin* (B. Kerbabaýew). **2**. Özüňden kiçi her bir aýal maşgala sypaýçylyk bilen ýüz tutulanda aýdylýan söz. *Bu ýerde bir gözel aýdym bar bolsa, Ol aýdymam seniň özüňsiň, uýam* (H. Kulyýew).

**UÝALDYRMAK** [uýollurmok], *işl., ser.* **Utandyrmak.** *Henizem yzdan gelýänleriň golaýlaşmagy ol gözleri biri-birinden uýaldyrdy* (R. Gelenow).

**UÝALJAŇ** [uýoljoň], *syp., ser*. **Utanjaň.**

**UÝALJAŇLYK** [uýoljoňluk], *at., ser.* **Utanjaňlyk.** *Onuň uýaljaňlyk bilen gülümsireýän gözlerine nazaryny dikdi* (G. Kulyýew). *Gylyjyň seredip duranyny gören gyz uýaljaňlyk bilen ýylgyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**UÝALJYRAMAK** [uýoljuromok], *işl., ser.* **Utanjyramak.** *Döndi gysmyljyrap, uýaljyrap oturýar* ("Edebiýat we sungat").

**UÝALMA** [uýolmo], *iş ady.* Uýalmak ýagdaýy.

**UÝALMAK** [uýolmok], *işl., ser.* **Utanmak**. *Uýalsaň, ýüzüňi açma, Gel, Arzygül, görüşeli (Seýdi). Baryny beren uýalmaz* (Nakyl).

**UÝALMAKLYK** [uýolmokluk], *iş ady.* Uýalmak ýagdaýy.

**UÝALMAZ** [uýolmoz], *syp., gepl.d., ser.* **Utanmaz**. *Tükenmez hazynam bolandan, uýalmaz ýüzüm bolsun* (Nakyl). *Uýalmaz kişi dek zeýrenip ýörme* (Magtymguly).

**UÝALMAZLYK** [uýolmozluk], *iş ady.* Uýalyp durmazlyk.

**UÝALYŞ** [uýoluş], *iş ady.* Uýalmak ýagdaýy.

**UÝALYŞMAK** [uýoluşmok], *işl., ser.* **Utanyşmak.**

**UÝAMA** [uýomo], *iş ady.* Uýamak ýagdaýy.

**UÝAMAK** [uýomok], *işl.* Süýt halyndan gatyga öwrülmek.

**UÝAMAKLYK** [uýomokluk], *iş ady.* Uýamak ýagdaýy.

**UÝAN** [uýon], *at.* Atyň kellesine geýdirilýän agyzzyrykly, uzyn goşa gaýyş bagly esbap. *Ýabyny eýerläp, uýanyny saldy.*

**UÝANLABERMEK** [uýonla:vermek], *işl.,* Uýanlap başlamak.

**UÝANLAMA** [uýonlomo], *iş ady.* Uýanlamak ýagdaýy.

**UÝANLAMAK** [uýonlomok], *işl.* Uýan geýdirmek, uýan salmak. *Aty uýanlamak.*

**UÝANLAMAKLYK** [uýonlomokluk], *iş ady.* Uýanlamak ýagdaýy.

**UÝANLAMAZLYK** [uýonlomozluk], *iş ady.* Uýan salmazlyk.

**UÝANLAŞMAK** [uýonloşmok], *işl.* Uýan salmaga kömekleşmek; bilelikde uýanlamak.

**UÝANLATDYRMAK** [uýonlotdurmok], *işl.* Uýan saldyrtmak.

**UÝANLATMAK** [uýonlotmok], *işl.* Uýanlamak işini başga birine etdirmek.

**UÝAT** [uýot] *syp., ser.* **Utanç.** *Meňli hanym golun dişläp, Bizden ki uýat eýleýir* (Magtymguly).

**UÝAT-HAÝA** [uýot-haýa:], *at, ser.* **Utanç-haýa.** *Uýat-haýa, şerim gitdi ýüzümden* (Zelili).

**UÝAT-HAÝALYLYK** [uýot-haýa:lylyk], *at,ser.* **Utanç-haýa.**

**UÝATLY** [uýotly], *syp.* Haýaly, asylly. *Asylly adam uýatly bolýar-da* ("Türkmenistan").

**UÝATMAK** [uýotmok], *işl.* Bişen süýde gönezlik garyp, gatyga öwürmek.

**UÝATSYZ** [uýossuz], *syp., ser.* **Utançsyz.** *Yssy beren köpek ýegdir, Uýatsyz, ykrarsyz ärden* (Magtymguly).

**UÝATSYZLYK** [uýossuzluk], *at, ser.* **Utançsyzlyk**. *Uýatsyzlyk, gödeklik bilen berlen bu sorag gojanyň gaharyny getirdi* (B. Seýtäkow).

**UÝAÝYŞ** [uýoýuş], *iş ady.* Uýamak ýagdaýy.

**UÝDURMAK** [uýdurmok], *işl.* Birini öz garaýşyňa uýmak katdyna ýetirmek.*Ymgyr çöli tabyn edip uýdurýar* (Ç. Gurbangylyjow).

**UÝGUN** [uýğun], *syp.* Bir şerte, ýagdaýa öwrenişmäge ukyply. *Uýgun adam.*

**UÝGUNLAŞDYRMAK** [uýğunloşdurmok], *işl.* Täze şertlere, täze ýagdaýlara öwrenişdirmek, uýgunlaşmak derejesine ýetirmek. *Täze ekilen nahallary biziň howamyza uýgunlaşdyrmak ilkibada aňsat düşmedi.*

**UÝGUNLAŞDYRYLMAK** [uýğunloşdurulmok], *işl.* Täze şertlere, ýagdaýlara öwrenişdirilmek, uýgunlaşmak derejesine ýetirilmek.

**UÝGUNLAŞMAK** [uýğunloşmok], *işl.* Täze şertlere, ýagdaýlara öwrenişmek. *Ýerli ýagdaýlara uýgunlaşmak.*

**UÝGUR** [uýğur], *at, ser.* **Uýgurlar.** *Uýgur dili.*

**UÝGURLAR** [uýğurlor], *at.* Esasan, Merkezi Aziýada, Hytaýda ýaşaýan türki dilli halk.

**UÝLUK,** *at.* Buduň aşak ýüzi, iç ýüzi. *Myhmanyň ýüzüne seredip, agramyny beýleki uýlugynyň üstüne atdy* (N. Saryhanow).

**UÝMA** [uýmo], *iş ady.* Uýmak ýagdaýy.

**UÝMAK** [uýmok], *işl.* Biriniň garaýşyna ynanmak, yrylmak; bir zada ýüregiň bilen ynanmak, sygynmak.

**UÝMAKLYK** [uýmokluk], *iş ady.* Uýmak ýagdaýy.

**UÝMAZLYK** [uýmozluk], *iş ady.* Uýmak derejesine ýetmezlik, ynanmazlyk.

**UÝULMAK** [uýulmok], *işl.* Birine ýa-da biriniň şekiline ýüregiň bilen berilmek, ynanylmak.

**UÝUŞ**, *iş ady.* Uýmak ýagdaýy.

**UZ** [u:z], *syp.***1**. Gözel, owadan, edaly, sypaty sazlaşykly, ajap. *Seniň ejeň, hanym, uz owadan, daýaw gelindi* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýerbe-ýer, göwnejaý. *Az bolsun, uz bolsun* (Nakyl).

**UZABERMEK** [uza:vermek], *işl.* Uzap ugramak.

**UZABOÝUNA** [uzovoýna], *hal.* Uzynlygyna görä, uzynlygyna. *Ileri başdan başlap, uzaboýna ölçäp çykdy* (G. Şamyýew).

**UZADYLMAK** [uzodulmok], *işl.* **1**. Bir zady başga birine bermek üçin eliň öňe göneldilmek, eliň bilen berilmek, eliň öňe gerilmek. *Hoşgeldi özüne uzadylan kagyzy aldy* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Ugradylmak, ýola salynmak (myhman hakynda).

**UZADYŞMAK** [uzoduşmok], *işl.* **1**. Bir zady biri-biriňe uzatmak. *Biri-birine sag eliniň külbikelerini uzydyşyp, "Palta gerekmi, gylyç" edişdiler* (B. Annageldiýew). **2**. *gepl.d.*Ugradyşmak, ýola salyşmak (myhman hakynda).

**UZAGYNDAN** [uzoğunnon], *hal.* Ýakynda däl-de, uzak geljekde, ep-esli wagtdan soňky geljek günlerde.

◊ **Uzagyndan gatnaşalyň!** Baryş-gelşimiz, gatnaşygymyz has ulalsyn, uzak möhlete çeksin diýlip aýdylýan alkyş sözi.

**UZAK** [uzok], *syp.* **1**. Ýakyn bolmadyk aradaşlykda ýerleşýän (giňişlik hakda) ýa-da bolup geçýän (wagt hakda), daş, alys. *Myhmanlar uzak ýerden geldiler. Ol ýurdumyzyň uzak sebitlerine baryp geldi.* **2**. Wagt taýdan uzaga çekýän. **3**. Bütin, uzyn, tutuş. *Ol syrkawyň ýanynda uzak gijäni çirim etmän geçirdi.*

**UZAKÇYL** [uzokçul], *syp.* **1**. Uzaga çapýan ýa-da ylgap bilýän, uzak aralygy geçip bilýän (köplenç, at we adam hakynda). *Biziň atlarymyz gaty uzakçyl.* **2**. Wagt taýdan uzaga çekýän zada garaşmagy başarýan, uzak wagtlap dowam edýän zada tagapyl edýän. *Ol diýseň uzakçyl adam, sabyrly adam, bir zada uzak wagtlap garaş diýseň-de, garaşyp bilýän adam.* **3**. Gepi-gürrüňi we ş.m. wagtynda tüketmeýän, gutarmaýan, uzaga çekdirýän, süýndürip oturan (adam hakynda). *Sen ýaly uzakçyly görmedim, "mus" diýip oturma-da "Mustapa" diýäý-dä.*

**UZAKÇYLLYK** [uzokçulluk], *at.* Uzakçyl bolmak ýagdaýy, uzakçyl bolmaklyk. *Onuň uzakçyllygyna haýran galaýmaly.*

**UZAKDAKY** [uzokdaky], *syp.* Daşdaky, alysdaky. *Uzakdaky obalar.*

**UZAKLAŞDYRMAK** [uzokloşdurmok], *işl.* **1**. Arany, aralygy daşlaşdyrmak, uzak etmek. *Barýan otlymyz bizi şäherden has uzaklaşdyrýardy.* **2**. Süýndürmek, uzaga çekdirmek. *Gürrüňi uzaklaşdyrma-da, gysgarak aýt.*

**UZAKLAŞDYRYLMAK** [uzokloşdurulmok], *işl.* **1**. Ara daşlaşdyrylmak, uzak edilmek. **2**. Süýndürilmek, uzaga çekdirilmek. *Bu iş uzaklaşdyrylsa bolmaz.*

**UZAKLAŞMA** [uzokloşmo], *iş ady.* Uzaklaşmak ýagdaýy. *Ol başga etraba göçüp, dogan-garyndaşdan uzaklaşdy.*

**UZAKLAŞMAK** [uzokloşmok], *işl.* **1**. Ara daşlaşmak, ara açylmak, daşa, uzaga gitmek. *Onuň aýak sesi uzaklaşdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Köp wagta çekmek, wagty uzaga çekmek, möhleti uzaga gitmek. *Uzaklaşyp oturman, Dynaýyn men bir bada* (A. Kekilow).

**UZAKLAŞMAKLYK** [uzokloşmokluk], *iş ady.* Uzaklaşmak ýagdaýy,

**UZAKLAŞMAZLYK** [uzokloşmozluk], *iş ady.* Daşlaşmazlyk, uzaga gitmezlik.

**UZAKLAŞYŞ** [uzokloşuş], *iş ady.* Uzaklaşmak ýagdaýy.

**UZAKLY** [uzokly]**: uzakly gün** günüň bütin dowamynda, ertirden agşama çenli. *Uzakly gün işläp ýadadym.*

**UZAKLYK** [uzokluk], *at.* Daş aralyk, alyslyk, ara ýakyn dällik, daşlyk. *Ýoluň uzaklygy bizi halys ýadatdy.Goýun sürüleri uzaklykda otlaşyp ýördüler.*

**UZALDYLMAK** [uzoldulmok], *işl.* **1**. Öňküsinden uzyn edilmek. *Pellehana müň metr uzaldyldy***2**. Wagty, möhleti artdyrylmak. *Iş saparynyň möhleti uzaldyldy.*

**UZALMA** [uzolmo], *iş ady.* Uzalmak ýagdaýy.

**UZALMAK** [uzolmok], *işl.* **1**. Uzynlygy öňki derejesinden artmak. *Onuň ötlem-ötlem bolup uzalyp gidýän gerişleri gök mahmala bürenipdir* ("Mugallymlar gazeti"). *Ýol öňküliginden uzalypdyr.* **2**. Köpe çekmek, köp wagt dowam edmek, uzamak. *Üç gün üç ýyldan-da beter uzalan ýaly boldy.*

**UZALMAKLYK** [uzolmokluk], *iş ady.* Uzalmak ýagdaýy.

**UZALTMAK** [uzoltmok], *işl.* **1**. Uzynlygyny, boýuny artdyrmak, öňküsinden uzyn bolar ýaly etmek. *Ýüpi ulap uzaltmak.* **2**. Uzaga çekdirmek, köp dowam etdirmek. *Ol gürrüňi uzaltmak islemedi.* **2**. Möhletini artdyrmak, wagtyny yza çekmek.*"Gürrüň bergileriň möhletini uzaltmagyň ýönekeýleşdirilen mümkinçiligini döretmek barada gidýär" diýip, maliýeçi belledi* ("Türkmenistan"). *Adamyň ömrüni uzaltmak.*

**UZALYBERMEK** [uzoluvermek], *işl.* Uzalyp ugramak.

**UZALYŞ** [uzoluş], *iş ady.* Uzalmak ýagdaýy.

**UZAMA** [uzomo], *iş ady.* Uzamak ýagdaýy.

**UZAMAK** [uzomok], *işl., ser* **Uzalmak.** *Belentli-pesli, baýyrly-jülgeli Köpetdag uly halyň kenaryna salnan nagyş ýaly, Kesearkaçda gaýma bolup, ýüzlerçe kilometre uzaýardy* (B. Kerbabaýew). *Göge uzan ýylçyr-ýylçyr gaýalar. Ýylçyr-ýylçyr gaýa bilen tapyşýar* (H. Kulyýew).

**UZAMAKLYK** [uzomokluk], *iş ady.* Uzamak ýagdaýy.

**UZAMAZLYK** [uzomozluk], *iş ady.* Adaty ýagdaýyndakysyndan uzalmazlyk.

**UZANMAK** [uzonmok], *işl.* Süýnmek, uzaboýuna süýnüp ýatmak. *Uzanyp ýatmaga mydarym ýetmez, Günde müň kowlasam, baý ýere gitmez* (Kemine). *Ädiksiz uzandy bu gün ýatanda, Söweşler pälwany garry general* (G. Seýitliýew).

**UZATDYRMAK** [uzotdurmok], *işl.* **1**. Uzatmak işini birine etdirmek. *Kitaby uzatdyrmak. Galamy uzatdyrmak.* **2**. *gepl.d.* Ýola saldyrmak, ugratdyrmak. *Myhmanlary uzatdyrmak.*

**UZATMAK** [uzotmok], *işl.* **1**. Bir zady başga birine bermek ýa-da birinden almak üçin eliňi öňe germek; birine bir zady eliň bilen bermek, äbermek. *Kitaby mugallyma uzatmak.***2**. *gepl.d.* Ugratmak, ýola salmak, *Uzadandan ýoldaş bolmaz* (Nakyl), *Mämmetsapa gitdi kömek bermäge, Uzadanlar geldi, bular gelmedi* (Magtymguly).

**UZAÝYŞ** [uzoýuş], *iş ady.* Uzamak ýagdaýy.

**UZUR,***at.* Edilen gabahat iş üçin ötünç sorama, ötünç. *Başa düşen işiň habaryn berip, Uzur bilen sözün aýtdy, dostlar heý* (Magtymguly).

◊ **Uzur ötünmek** ötünç soramak. *Ol gele-gelmäne ýüzüni onuň gursagyna ýaplap, arzy-hal aýtmakçy, belki uzur ötünmekçi* (B. Kerbabaýew).

**UZYN** [uzuýn], *syp.* **1**. Boýy, uzynlygy adatdakysyndan artyk, ortadan ýokary. *Ýabyň iki tarapy-da uzyn gök dereklikdi* (B. Seýtäkow). *Uzyn adam.* **2**. *ser.* **Uzak.** *Uzyn ömrümde çöli köp söküpdim.* **3**. *ser.* **Uzakly**. *Uzyn gün ekin otadym.Tolgunmadan ýaňa ol birbada şeýle pursatlarda uzyn gije taýýarlanyp oturan etsem-petsemlerini-de ýadyndan çykardy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.).

◊ **Uzyn sözüň gysgasy (gepiň gysgasy)** gysgaça aýdanyňda, jemläp aýdanyňda, netijede.

**UZYNLY** [uzuýnly]**: uzynly (uzakly) gün** günüň bütin dowamynda, ertirden agşama çenli, gün dogandan gün ýaşýança bolan wagt aralygy *Öz deň-duş oglanlary çybykdan at edinip oýnasa, ol agaçdan dutar ýasanyp uzynly güni şony gazap geçirerdi* (N. Saryhanow).

**UZYNAK** [uzuýnok], *hal.* Boýy uzyn, uzyna ýakyn. *Galdawlygy keseden görnüp duran agajet uzynakýigidi çagyryp, biz bilen tanyşdyrdy* ("Türkmenistan").

**UZYNGUÝRUK** [uzuýnğuýruk], *syp., gepl.d.* Guýrugy inçelip, uzalyp gidýän salpy guýruk garaköli goýun. *Uzynguýruk goýunlar.*

**UZYNLYGYNA** [uzuýnluğno], *hal.* Uzyn boýuna, tutuş boýuna. *Matany uzynlygyna kesmek.*

**UZYNLY-GYSGALY** [uzuýnlu-ğy:sğaly], *syp.* Uzyn hem gysga gatyşykly, içinde uzyny we gysgasy bolan. *Uzynly-gysgaly ýüpler.*

**UZYNLYK** [uzuýnluk], *at.***1**. Bir ugurda ýatan çyzygyň, jisimiň we ş, m, iki gyra nokadynyň arasyndaky aralyk. **2**. Dil biliminde sesleriň uzyn aýdylyşyny aňladýan adalga we uzyn aýdylýan ses.

**UZYN-UZYN** [uzuýn-uzuýn], *syp.***1**. Biri-birinden uzyn, hemmesi uzyn. *Uzyn-uzyn derekler.* **2**. Köp wagt alýan, gaty uzaga çekýän, yzy gelmeýän, gutarmaýan. *Uzyn-uzyn sözleşeli, söwdügim* (Aýdym). **3**. Sozup-sozup, uzak, dowamly. *Çagajyk uzyn-uzyn pallap, ahyry uklap galdy.* **4**. Uly-uly, gerimli, giň. *Ol ileri ýüzlerindäki çöpleriň içi bilen uzyn-uzyn ädimläp gitdi* (N. Saryhanow).

# Ü

**Ü** [ü:], Türkmen elipbiýiniň ýigrimi altynjy harpy.

**ÜBTÜK** [üvtük], *at.* Pamyk, ýüň, ýüpek we ş.m. zatlaryň sütük görnüşli bölejigi. *Sary maýaň sütügi, Gyrmyzy ýüpek übtügi* (Hüwdüden).

**ÜBTÜJEK** [üvtüjök], *at,* Has kiçijik übtük. *Pagtanyň bir übtüjeginem zaýa etmeli däl.*

**ÜÇ,** *san.* **1**. 3 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. **2**. *ser.* **Üçlük**. *Synagda fizikadan üç aldym.*

**ÜÇBIR** [üçvi:r], *hal.* Üç-üçden, üç bolup. *Bir salymdan ikibir, üçbir bolup gürrüňe başladylar.*

**ÜÇBURÇ** [üçvurç], *syp.* Üç burçdan ybarat, burçy üç bolan. *Üçburç kagyzlar ýatyr saralyp, Okady käsini eline alyp* (A. Kekilow).

**ÜÇBURÇLUK** [üçvuruşluk], *at.* Üç sany göni çyzygyň kesişmegi netijesinde üç sany içki burç

emele getirýän geometrik şekil, şeýle-de şonuň ýaly şekildäki her bir zat. *Göni üçburçluk.*

**ÜÇEK** [üçök], *at* Üsti suwalan tamyň ýokarsy, üsti. *Çyk üçege, bak ýola, Daýyň geler wagtydyr* (Hüwdi). *Arzygül çykar üçege, Ýalkymy düşer köçäge* (Seýdi).

**ÜÇEM** [üçöm], *at*. **1**. Bir wagtyň özünde bir eneden bolan üç çaga. *Üçem çaga.* **2**. Bir wagtyň özünde bir eneden bolan üç owlak, üç guzy. *Üçem owlak. Üçem guzy.* **3**. Oglanlaryň üç sany aşygy sülüp oýnaýan oýny. *Oglankak üçemi köp oýnandyrys.*

◊ **Üçem gelmek** oklanýan üç aşygyň üçüsi-de meňzeş ýatmak (üçüsi-de alçy gopmak ýa-da dükge, ýa jikge ýatmak).

**ÜÇGAT** [üçğat], *at, ösüml.d.* Tegelek ýaprakly, ak-gyrmyzy gülli, kendire meňzeş gabykly gyrymsy agaç.

**ÜÇGOŞMA** [üçğoşmo], *at, gepl.d.* Bileziginiň üç hatar gaşly görnüşi. *Üçgoşma bilezik.*

**ÜÇGYÝAK** [üçğyýak], *at.* Gaýma we keşde bilen geýime salynýan üç bölek gyýaja nagyş we onuň ady.

**ÜÇI** [üçü], *at.* Dünýäden öten adamyň jaýlanandan soň üçünji gününi bellemek däbi, degsin edilýän üçünji gün. *Gitdiň. Agladyk. Bu günem - üçüň. Diýmek, gideniňe bolupdyr üç gün* (K. Gurbannepesow).

**ÜÇIN** [üçüýn], *sözs. k.* Sebäpli, görä, zerarly, ötri ýaly many aňladyp, sebäp-maksat bildirýän kömekçi söz.

**ÜÇLEME** [üşlömö] **I,***iş ady.* Üçlemek ýagdaýy.

**ÜÇLEME** [üşlömö] **II**, *at, edeb.* Goşgy düzüliş görnüşi.

**ÜÇLEMEK** [üşlömök], *işl.***1**. Bir hereketi üç adam bolup etmek. *Olar üçlemedik bolsalar, meni basyp bilmezdiler.* **2**. Gaýma gaýalanda üç gezek sanjyp, soňra ara goýup, gaýtalap gitmek.

**ÜÇLEMEKLIK** [üşlömöklük], *iş ady.* Üçlemek ýagdaýy.

**ÜÇLEMEZLIK** [üşlömözlük], *iş ady.* Üç bolup ýerine ýetirmezlik.

**ÜÇLEŞMEK** [üşlöşmök], *işl., gepl.d.* **1**. Bir işi üç bolup ýerine ýetirmek. *Hiç kim onuň ýanyna gelip, üçleşmegi teklip etmeýärdi.* **2**. *gepl.d.* Üç bolup arak içmek.

**ÜÇLÜK** [üşlük], *at.* **1**. Üçünji awtobus, trolleýbus ýa-da belli bir kesgitli ýoldan gatnaýan taksi. *Üçlük gowy gatnaýar.* **2**. Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Üçlük galoş.* **3**. Mekdepde kanagatlanarly baha. *Beýannamadan üçlük alypdym.* **4**. Oýnalýan kartyň üç güllüsi. *Üçlük kerpiç. Üçlük haç.*

**ÜÇÖTEN** [üçötön], *at.* Argajy üç gat edilip, tarada dokalýan mata.

**ÜÇÜNJI** [üçünjü], *san.* 3 sanyndan ýasalan tertip san.

◊ **Üçünji gün** *gepl.d.*Çarşenbe.

**ÜÇÜNJILIK** [üçünjülük], *at.* Dereje taýdan üçünji orunda bolmaklyk, eýelän orny boýunça üçünji ýerde durmaklyk. *Ýaryşda biziň bölümimiz üçünjiligi eýeledi.*

**ÜÇÜRDIK** [üçürdük], *at.* **1**. Ýüp, sapak işmegiň, bükdürmegiň bir görnüşi we onuň ady. *Üçürdik tow.* **2**. Üç gat sapakdan işilen, bükdürilen sapak. **3**. Düýäniň ylgawynyň, çapuwynyň bir görnüşi.

**ÜÇÜRDIKLEME** [üçürdüklömö], *iş ady.* Üçürdiklemek ýagdaýy.

**ÜÇÜRDIKLEMEK** [üçürdüklömök], *işl.* **1**. Üç gat sapagy, ýüpi birikdirip işmek, bükdürmek. **2**. Oraz aýynyň her ongünlüginiň başky üç gününde agyz beklemek. **3**. Üçürdigine gitmek, çapmak (düýe hakynda). **4**. Atyň, düýäniň we ş.m. malyň iki öň aýagy we bir art aýagynyň aralaryny duşak, kössek bilen baglamak. *Atyň aýagyny üçürdikläp, otluk meýdana kowduk.* **5**. *göç.m.* Birine ýaranjaňlyk edip, hyzmatyna ylgamak. *Özünden pullurak hem gulluk wezipesi ulurak adamlary görende olaryň öňlerinde üçürdikläp, üzeňňisinden üç geçýär* (N. Pomma). **6**. *sport.* Bir bat alanyňda üç gezek bökmek. *Üçürdikläp bökmek.*

**ÜÇÜRDIKLEMEKLIK** [üçürdüklömöklük], *iş ady.* Üçürdiklemek ýagdaýy.

**ÜÇÜRDIKLEMEZLIK** [üçürdüklömözlük], *iş ady.* Üçürdiklemek hereketini etmezlik.

**ÜÇÜRDIKLEŞMEK** [üçürdüklöşmök], *işl.* **1**. Üçürdiklemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde üçürdiklemek.

**ÜÇÜRDIKLETDIRMEK** [üçürdüklötdürmök], *işl.*, **Üçürdikletmek**.

**ÜÇÜRDIKLETMEK** [üçürdüklötmök], *işl.* Üçürdiklemek işini başga birine etdirmek. *Ol ýüpüni üçürdikledip egirtdi.*

**ÜÇÜRDIKLEÝIŞ** [üçürdüklöýüş], *iş ady.* Üçürdiklemek ýagdaýy.

**ÜÇÜRDIKLÄBERMEK** [üçürdüklä:vermek], *işl.* Üçürdikläp başlamak.

**ÜÇÜRIN** [üçürüýn], *köm. s., gepl.d., ser.* **Üçin.**

**ÜÇÝAŞAR,***syp.* Uç ýaşan, üç ýaşynyň içindäki (düýe, at, sygyr ýaly mallar hakynda). *Baýraklaryň beýlekisi iň oňat üçýaşar atlar üçin goýuldy.*

**ÜÇÝYLDYZ,** *at.* Ülkeriň yzyndan dogýan üç sany setir ýyldyz. *Şol wagt Üçýyldyzy yzyna tirkäp, Ülker dik depä galypdy* (B. Kerbabaýew).

**ÜDEK** [üdök], *at.* Örümsiz, içine örüm edilmedik guýy.

**ÜFLEME** [üflömö], *iş ady.* Üflemek ýagdaýy.

**ÜFLEMEK** [üflömök], *işl.* Dodagyňy öňe süýreldip, agzyňdan bat bilen howa akymyny çykarmak. *Süýtde agzy bişen suwy üfläp içer* (Nakyl).

**ÜFLEMEKLIK** [üflömöklük], *iş ady.* Üflemek ýagdaýy.

**ÜFLEMEZLIK** [üflömözlük], *iş ady.* Üflemek hereketini etmezlik.

**ÜFLENILMEK** [üflönülmök], *işl., ser.* **Üflenmek.**

**ÜFLENMEK** [üflönmök], *işl.* Biri tarapyndan üflenilmek, "üf" edilip, batly howa çykarylmak. *Şar üflenip çişirildi. Üflenip çalynýan saz gurallary.*

**ÜFLEŞDIRMEK** [üflöşdürmök], *işl.* Bir zady birnäçe gezek üflemek, yzygiderli üflemek. *Elini ýakyp barýan etleri üfleşdirip, ýetişibildiginden dogramaga başlady* (B. Seýtäkow).

**ÜFLEŞMEK** [üflöşmök], *işl.* **1**. Üflemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde üflemek.

**ÜFLETDIRMEK** [üflötdürmök], *işl.,ser.* **Üfletmek**. *Aşyr aga tüýdügi ogluna ýaňadan üfletdirdi.*

**ÜFLETMEK** [üflötmök], *işl.* Üflemek işini başga birine etdirtmek. *Ol aýal tutaşman duran oduny üfletmek üçin gyzyny çagyrdy.*

**ÜFLEÝIŞ** [üflöýüş], *iş ady.* Üfletmek ýagdaýy.

**ÜFLIS** [üflüýs], *syp.* **1.** Tumaýak; sandan galan, pese düşen. **2**. Gözden düşen nejis, haramzada. *Tagamda tabakdaş bolma, üflis haramhor biläni* (Magtymguly). **3**. Köne, köne-küşül, ýyrtyk-ýyrtyk, sallam-sajak. *Üflis geýimli.*

**ÜHHE-ÜHHE: ühhe-ühhe etmek** yzyny üzmän üsgürmek, köp üsgürmek, üsgürip durmak.

**ÜLE** [ülö], *at.* Uly mal öldürilip paýlaşylanda, ýetýän belli bir mukdardaky bölek, paý. *Üleden düşen et.*

**ÜLEME** [ülömö], *iş ady.* Ülemek ýagdaýy.

**ÜLEMEK** [ülömök], *işl.* Her kime ýetdik paýyny bermek.

**ÜLEMEKLIK** [ülömöklük], *iş ady.* Ülemek ýagdaýy.

**ÜLEMEZLIK** [ülömözlük], *iş ady.* Üle edip paýlamazlyk.

**ÜLEN** [ülön], *at, ösüml.d.* Keseligine ýaýraýan ýogyn kökli, dik ösýän baldakly, ýasy ýaprakly, çogdam goňras ýa-da gök gülli köpýyllyk otjumak ösümlik.

**ÜLEŞDIRMEK** [ülöşdürmök], *işl.*. Her kime ýetdik paýyny berişdirmek, bölüşdirmek, paýlaşdyrmak. *Üleşdirene üç gaz, o-da bolsa heniz az* (Nakyl).

**ÜLEŞIK** [ülöşük], *at.* Paýlaşyk, bölüşik. *Olar üleşikden artykmaç paý alandyrlar* (B. Kerbabaýew).

**ÜLEŞMEK** [ülöşmök], *işl.***1**. Ülemäge kömek etmek; **2**. Bilelikde ülemek. **3**. Bileleşip paýlaşmak.

**ÜLETDIRMEK** [ülötdürmök], *işl., ser.* **Ületmek**.

**ÜLETMEK** [ülötmök], *işl.* Ülemek işini başga birine etdirmek.

**ÜLEÝIŞ** [ülöýüş], *iş ady.* Ülemek ýagdaýy,

**ÜLJE** [üljö], *at.***1**. Bägül güllüler maşgalasyna degişli, boýy 3-10 metre ýetýän, gülleri ak ýa-da gyzgylt reňkli, ýaýraň inçe şahaly agaç. **2**. Şol agajyň togalajyk gyrmyzy, sary reňkli, içi şänikli, turşy tagamly miwesi.

**ÜLKE** [ülkö], *at.***1**. Käbir döwletlerde iri territorial birlik. *Stawropol ülkesi.***2**. Ata watan, dogduk mekan, ene toprak, ýurt.

**ÜLKER** [ülkör], *at.* Ýyldyzlar toplumy. *Ýokarda Ülker, Telpegin silker, Jana-jan dostum Gelmäge gorkar* (Halk döredijiliginden).

**ÜLŇI** [ülňü], *at.***1**.Tikinçilikde, ussaçylykda biçilýän geýimiň, ýasalýan önümiň ölçeg şekili, galyby. *Süýndürilen polady ülňä deňän ussa işe başlady.* **2**. Önümiň öz aýratynlyklary, häsiýetleri we hili boýunça edilýän talaplary kanagatlandyrýan nusgasy.

◊ **Köne ülňi** lenç edilen ýörelge, köre-körlük bilen eýerilýän ýol.

**ÜLŇÜLEME** [ülňülömö], *iş ady.* Ülňülemek ýagdaýy.

**ÜLŇÜLEMEK** [ülňülömök], *işl.* Biçmek üçin ülňä görä bellemek, belli bir şekile getirmek. *Ülňüläp geýim biçmek.*

**ÜLŇÜLEMEKLIK** [ülňülömöklük], *iş ady.* Ülňülemek ýagdaýy.

**ÜLŇÜLEMEZLIK** [ülňülömözlük], *iş ady.* Biçmek üçin bellik etmezlik.

**ÜLŇÜLENMEK** [ülňülönmök], *işl.* Biçmek üçin ülňä laýyk edilmek, belli bir şekile getirilmek. *Bu aýratyn matadan ülňülenip tikilen köýnek.*

**ÜLŇÜLEŞDIRMEK** [ülňülöşdürmök], *işl.* Hemmesini ülňüläp çykmak.

**ÜLŇÜLEŞMEK** [ülňülöşmök], *işl.* **1**. Ülňi boýunça biçmäge kömek etmek. **2**. Bilelikde ülňülemek.

**ÜLŇÜLETDIRMEK** [ülňülötdürmök], *işl., ser.* **Ülňületmek**.

**ÜLŇÜLETMEK** [ülňülötmök], *işl.* Ülňülemek işini başga birine ýerine ýetirtmek.

**ÜLŇÜLEÝIŞ** [ülňülöýüş], *iş ady.*. Ülňülemek ýagdaýy.

**ÜLŇÜLÄBERMEK** [ülňülä:vermek], *işl.* Ülňi bilen biçip başlamak; ülňülemegi dowam etdirmek. *Biçjek jalbarlaryňy indi şeýt-de ülňüläber.*

**ÜLŇÜLIK** [ülňülük], *syp.* Ülňi, nusga etmek üçin ýaramly; ülňä, nusga ýaraýan; ülňä niýetlenen (zat, nusgalyk).

**ÜLPET** [ülpöt], *at, gepl.d.* Dost, ýoldaş, syrdaş, şepe. *Köňli gara bile bolmaňlar ülpet, Ýokar ondan dürli-dürli kesapat* (Magtymguly). *Ol şol bolgusyz göwnaçyklygyny eder-de, bir topar ülpetlerini yzyna tirkäp geler* (G. Ezizow).

**ÜLPÜLDEME** [ülpüllömö], *iş ady.* Ülpüldemek ýagdaýy.

**ÜLPÜLDEMEK** [ülpüllömök], *işl.* Ýele, sähelçe şemala ülp-ülp edip ýuwaşja galgamak. *Ýaşajyk otlar ülpüldäp otyr.*

**ÜLPÜLDEMEKLIK** [ülpüllömöklük], *iş ady.* Ülpüldemek ýagdaýy.

**ÜLPÜLDEMEZLIK** [ülpüllömözlük], *iş ady.* lpüldäp oturmazlyk.

**ÜLPÜLDEŞMEK** [ülpüllöşmök], *işl.* Hemmesi köpçülikleýin ülpüldemek. *Maýsalar ülpüldeşip otyrlar.*

**ÜLPÜLDETMEK** [ülpüllötmök], *işl.* Ýuwaşja galgatmak. *Gök gowaça ülpüldedip pamygyn, Gozalardan sümeklerin sallady* (B. Kerbabaýew).

**ÜLPÜLDEÝIŞ** [ülpüllöýüş], *iş ady.* Ülpüldemek ýagdaýy.

**ÜLPÜLDÄBERMEK** [ülpüllä:vermek], *işl.* Maýsalar, otlar çalaja ülpüldände döreýän şekil.

**ÜLPÜLDI** [ülpüllü], *at.* Maýsalar, otlar çala öwüsgine, asuda şemala ülpüldände döreýän hereket we şekil.

**ÜLÜŞ,** *at.* **1**. Käbir ösümlikleriň hasylynyň iň kiçi bölejigi. *Gozalar ýetişende çaňňalaklar açylýar, pagta ülüşleri gowy çöşlenýär.* **2**. Bölek. *Aýdymy arzuwlap ýören ýigidiň ýürek arzuwynyň bir ülşüni amala aşyrmaga mümkinçilik döredi* ("Edebiýat we sungat").

**ÜLÜŞLEME** [ülüşlömö], *iş ady.* Ülüşlemek ýagdaýy.

**ÜLÜŞLEMEK** [ülüşlömök], *işl.* Ülüşlere bölmek, paýlamak.

**ÜLÜŞLENMEK** [ülüşlönmök], *işl.* Ülüşlere bölünmek.

**ÜLÜŞLETMEK** [ülüşlötmök], *işl.* Başga birine ülüşlere böldürmek.

**ÜLÜŞLEMEKLIK** [ülüşlömöklük], *iş ady.* Ülüşlemek ýagdaýy.

**ÜLÜŞLEMEZLIK** [ülüşlömözlük], *iş ady.* Ülüşlere bölmezlik.

**ÜLÜŞLEÝIŞ** [ülüşlöýüş], *iş ady.* Ülüşlemek ýagdaýy.

**ÜLWEN** [ülwön], *at. ösüml.d.* Itüzümler maşgalasyna degişli ýogyn baldakly ikiýyllyk otjumak ösümlik.

**ÜM**, *at.* Bir zady ýaşyryn duýdurmak üçin edilýän göz, ýüz hereketi, yşarat, ümleme. *Aýna tördäki ýorgany üm bilen görkezdi* (S. Myradow).

◊ **Üm bilmez** hiç zada doly düşünmeýän, ýaş, gögele, tejribesiz. *Duşdum üm bilmez nadana, Bir gadrym bilen islärin* (Magtymguly). *Üm bilmez çagadyň, bütin dünýäni Suw-sil alaýsa-da habaryň ýokdy* (K. Gurbannepesow). **Ümi alyşmak** biri bilen häsiýetiň deň gelmek, gepiň, gürrüňiň alşyp gitmek.

**ÜMAŞAK** [ümaşa:k]: **ümaşak adam** jemgyýetdäki ornuna garamazdan, özüni pes pälli alyp barýan. *Tümmege ýaplanyp ýatan ümaşak, murtlak bir ýigit dikelip oturdy* (B. Kerbabaýew).

**ÜMDÜZINE** [ümdüzünö]: **ümdüzine tutdurmak (gaçmak)** yzyňa garaman gaçmak, gaty daşa gaçmak, bir tarapa, baka gaty ylgap gitmek. *Ol ondan-oňa selpäp, aňy aşan sygyrlaryň birini gaýtarsa, beýlekisi ümdüzine tutdurýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÜME** [ümö], *at.* Durmuşa çykjak gyzyň eşiklerini tikmek üçin gyz-gelinleriň ýowar şekilli ýygnanyşygy. *Aý geçip, ýyl geçip, gyz dokuz-on ýaşyna bardy, bir gün goňşulary üme etdi* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÜMEÇI** [ümöçü], *at.* Ümä gatnaşyjy. *Sapak çekilen ýigit hem ümeçi gelin-gyzlara bir zat bagyşlamaga borçly bolardy* (A. Gowşudow).

**ÜMEDEKLEME** [ümödöklömö], *iş ady.* Ümedeklemek ýagdaýy.

**ÜMEDEKLEMEK** [ümödöklömök], *işl.* Aşak eglip ýöremek, ýapyrylyp ýöräp barmak.

**ÜMEDEKLEŞMEK** [ümödöklöşmök], *işl.* Birnäçe bolup eglip ýöremek. *Çagalar görünmejek bolup, ümedekleşip barýan ekenler.*

**ÜMEDEKLETMEK** [ümödöklötmök], *işl.* Ümedekläp ýörär ýaly etmek.

**ÜMEDEKLEÝIŞ** [ümödöklöýüş], *iş ady.* Ümedeklemek ýagdaýy.

**ÜMEDEKLÄBERMEK** [ümödöklä:vermek], *işl,* Ümedekläp başlamak.

**ÜMEZ** [ümöz], *at.* **1**. Howanyň ýüzüni tutýan ýukajyk tozan, duman, tot. *Onuň görejiniň agygarasy tapyşyp, görejiniň öňüni buz reňkli ümez aldy* (B. Kerbabaýew). **2**. Gözüň görmek ukybyny peseldýän perde kysmy bulaşyklyk. *Onuň gözüniň öňi ümez bolup dur.* **3**. *gepl.d.* Ümür.

**ÜMEZLEME** [ümözlömö], *iş ady.* Ümezlemek ýagdaýy.

**ÜMEZLEMEK** [ümözlömök], *işl.* **1**. Howada duman peýda bolmak, asmanyň ýüzüni duman, tot tutmak. **2**. Ümez sebäpli çala görünmek. *Dag uzaklardan ümezläp görünýär.* **3**. Gözüň öňi ümez bolmak. *Onuň gözi ümezläp gitdi.*

**ÜMEZLEMEKLIK** [ümözlömöklük], *iş ady.* Ümezlemek ýagdaýy.

**ÜMEZLEMEZLIK** [ümözlömözlük], *iş ady.* Ümez tutmazlyk.

**ÜMEZLENMEK** [ümözlönmök], *işl.* Ümez tutmak, ümez bilen örtülmek. *Gahardan ýaňa gözüniň öňi ümezlenip gitdi* (G. Kulyýew).

**ÜMEZLEŞMEK** [ümözlöşmök], *işl.***1**. Howanyň ýüzüne ýuwaş-ýuwaşdan duman, tot ýaýramak, asmanyň ýüzüni ümez tutup başlamak. **2**. Gözüň öňüni gubar tutup ugramak, ümez bolup ugramak. *Şu görnüşi gözden geçiren soň, gözüniň öňi ümezleşip gitdi* (R. Gelenow).

**ÜMEZLETMEK** [ümözlötmök], *işl.* Ümez etmek, ümez tutdurmak. *Göze ilmez çaltlykdaky hereket netijesinde suwdan çykýan çalymtyk bug giň jaýyň içini ümezledip durdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÜMEZLEÝIŞ** [ümözlöýüş], *iş ady.* Ümezlemek ýagdaýy.

**ÜMEZLÄBERMEK** [ümözlä:vermek], *işl.* Ümezläp başlamak.

**ÜMEZLI** [ümözlü], *syp.***1**. Dumanly, totly (howa, asman hakynda). **2**. Gözüniň öňüni ümez tutan, ümez baglan. *Ümezli gözler.*

**ÜMEZLILIK** [ümözlülük], *at.* Ümezi barlyk, ümezli halda bolmaklyk.

**ÜMEZSIZ** [ümössüz], *syp.* Ümezi ýok, ümezi bolmadyk. *Bu gün howanyň ýüzi ümezsiz, ap-arassa.*

**ÜMEZSIZLIK** [ümössüzlük], *iş ady.* Ümezi ýokluk, ümezsiz halda bolmaklyk, dumansyzlyk.

**ÜMLEME** [ümlömö], *iş ady.* Ümlemek ýagdaýy.

**ÜMLEMEK** [ümlömök], *işl.* Üm bilen aňlatmak, üm bilen yşarat edip duýdurmak. *Göz ümledi, men düşdüm* ( Mollanepes).

**ÜMLEMEKLIK** [ümlömöklük], *iş ady.*Ümlemek ýagdaýy.

**ÜMLEMEZLIK** [ümlömözlük], *iş ady.* Üm bilen duýdurmazlyk, yşarat etmezlik.

**ÜMLEŞMEK** [ümlöşmök], *işl.* Biri bilen üm arkaly düşünişmek, biri-biriňe göz ümlemek. *Olar*

*nämedir bir zat barasynda göz ümleşip gepleşýärdiler* (N. Pomma).

**ÜMLEÝIŞ** [ümlöýüş], *iş ady.* Ümlemek ýagdaýy.

**ÜMLÜK,***at, dil b.* Grammatikada: gönüden-göni bir zadyň täsiri, içki duýgy netijesinde aýdylýan, üýtgemeýän söz. Meselem: *waý, wiý, wah we ş.m.*

**ÜMMÜLDEŞMEK** [ümmüllöşmök], *işl.* Biri bilen dostlukly ýagdaýda gürleşip oturmak. *Dostlar nämedir bir zat hakynda ümmüldeşip otyrdylar.*

**ÜMMÜLMEZ** [ümmülmez], *syp.* Ägirt giň, aňyrsy-bärsi görünmeýän, gözýetmez.

**ÜMSÜM**, *syp.* Sessiz-üýnsüz, sessiz, ýuwaş. *Sözüm aňlan ýok diýip , ümsüm oturma, Jahan giňdir, çendan bilen-de bardyr* (Magtymguly). *Ýok zatlary göwnüňe Getirme-de, ümsüm gez!* (B. Kerbabaýew).

**ÜMSÜMJE** [ümsümjö], *syp.* Sessiz-üýnsüzje, ýuwaşja (belli bir adama ýüzlenilip aýdylanda nygtaýjylyk, talap edijilik öwüşginine eýe bolýar). *Sen ümsümje otur. Ümsümje bol. Ümsümje çaga.*

**ÜMSÜMLIK** [ümsümlük], *at.* **1**. Sessiz-üýnsüzlik, ýuwaşlyk, sessizlik. *Bir hili düşnüksiz ümsümlik başlandy* (A. Gowşudow). **2**. Sessiz-üýnsüz asuda ýagdaý, parahatlyk, imi-salalyk, asudalyk. *Dükanyň içinde ümsümlik höküm sürýärdi* (A. Gowşudow).

◊ **Ümsümligi bozmak** asudalygy bozup, gürrüňe başlamak.

**ÜMSÜMRÄK** [ümsümürä:k], *syp.* Az-kem ümsüm, göräýmäge ümsüm, ümsüme ýakyn. *Ol daşyndan göräýmäge ümsümräkdir, emma etjegi içindedir.*

**ÜMÜR,** *at.* Bug bilen örtülen howa, duman gurşap alan tutuk howa, duman. *Ýagyşly, ýagmyrly, ümürli daglar, Siller senden gider, duman eglenmez* (Magtymguly). *Olar ylla diýersiň bahar pasly ýere çöken dumana, ümre meňzeýär* (G. Ezizow).

◊ **Ümürde ýörän ýaly etmek** düşnüksiz ýagdaýa salmak, alasarmyk ýagdaýda goýmak. *Sen meni ümürde ýörän ýaly etme-de, düşnükliräk aýt.*

**ÜMÜRDUMAN** [ümürduma:n], *at.* Dürli ýüpden owadan örülip, gotazlanyp, tüýnügiň çagarygyndan asylýan ýüp.

**ÜMÜRLEME** [ümürlömö], *iş ady.* Ümürlemek ýagdaýy.

**ÜMÜRLEMEK** [ümürlömök], *işl.* Howanyň ýüzüni ümür tutmak, duman gaplamak. *Bibat ýerde biten mymyk igdeler, Sen ümürläp galar bolduň, hoş imdi* (Seýdi).

**ÜMÜRLENMEK** [ümürlönmök], *işl.* Ümür bilen örtülmek.

**ÜMÜRLEŞMEK** [ümürlöşmök], *işl.* Ümür gelip başlamak, kem-kemden ümür tutmak. *Howa ertirden soň ümürleşip başlady.*

**ÜMÜRLEÝIŞ** [ümürlöýüş], *işl.* Ümürlemek ýagdaýy.

**ÜMÜRLI** [ümürlü], *syp.* Ümür tutup duran. *Howa ümürli, ýol görünmejek bolýar.*

**ÜMÜRLIK** [ümürlük], *at.* Umürli howa. *Ümürlükde maşyn sürmek kyn bolýar.*

**ÜMÜRLIRÄK** [ümürlürä:k], *syp.* Birneme ümürli, azda-kände ümürli.

**ÜMÜRSIN** [ümürsün], *syp.* Gür gögeren, bol biten, köp ösüp oturan. *Ol ýerden beýleräkde agynara çägesi, inere güzeri, aňyrrakda bolsa ümürsin oty bardy* (N. Atdaýew).

**ÜMÜRSIZ** [ümürsüz], *syp.* Ümür bilen örtülmedik, ümri ýok. *Howa ümürsiz, arkaýyn maşynly gidibermeli.*

**ÜMÜŞ : ümüş mal** guzusy, owlagy we s. m. ölen mal, dowar.

**ÜMÜŞ-TAMYŞ**, *at.* Agşam garaňky düşüp başlan ýa-da daň saz berip başlan wagty, alagaraňky.

**ÜMÜŞ-TAMYŞLYK**, *at.* Ümüş-tamyş wagty, alagaraňkylyk. *Rejep ümüş-tamyşlykda onuň Keýikdigini tanady* (B. Gulow).

**ÜMZÜK,** *at.* Ýüz tarapy. *Zähmet bilen jogap bermegi maksat edinýänleriň ümzügi öňe* ("Türkmenistan").

◊ **Ümzügiňi atmak** bir tarapa seredip, öňe omzajak ýaly etmek. *Owlajyk aýaklaryna galjak bolup delminýärdi, bize ümzük atýardy* ("Edebiýat we sungat"). *Nahar iýýän adama bakan ümzügiňi atyp oturma.*

**ÜNDELMEK** [ünnölmök], *işl.* Bir ugra gönükdirilmek.

**ÜNDEME** [ünnömö], *iş ady.* Ündemek ýagdaýy.

**ÜNDEMEK** [ünnömök], *işl.* **1.** Bir işi etmäge çagyrmak, ynandyrjak bolmak, bir ugra gönükdirmek, ýol görkezmek. *Mugallym mekdep okuwçylaryny garrylara kömege ündeýärdi.* **2**. Maslahat bermek, öwüt-nesihat etmek, nesihat bermek, ündew etmek. *Magtymguly öz şygyrlarynda Watany, topragy söýmekligi ündeýär*. **3**. Söz ýa-da yşarat bilen barmaly, baryp oturmaly ýerini, girmeli jaýyny görkezmek, teklip etmek, mürähet etmek. *Pökgen hem Wüşi keli öýe baka ündäp, hödür-kerem etmegi we onuň bilen gürrüňdeş bolmagy ýüregine düwdi* (A. Gowşudow).

**ÜNDEMEKLIK** [ünnömöklük], *iş ady.* Ündemek ýagdaýy.

**ÜNDEMEZLIK** [ünnömözlük], *iş ady.* Ündew etmezlik.

**ÜNDEŞMEK** [ünnöşmök], *işl.* Birnäçe bolup ündemek.

**ÜNDETMEK** [ünnötmök], *işl.* Ündemek işini başga etdirmek.

**ÜNDEW** [ünnöw], *at.* Maslahat, öwüt, nesihat, tabşyryk, pent.

**ÜNDEWÇI** [ünnöwçü], *at.* Öwüt-nesihat beriji, maslahat beriji, tabşyryjy.

**ÜNDEÝIŞ** [ünnöýüş], *işl.* Ündemek ýagdaýy.

**ÜNDÄBERMEK** [ünnä:vermek], *işl.* Ündäp başlamak.

**ÜNJI** [ünjü], *at.* Alada-gaýgy zerarly döreýän ynjalyksyzlyk, ynjalyk bermeýän pikir, alada.

◊ **Ünji etmek** alada batmak, iňkise gitmek, ynjalykdan aýrylmak.

**ÜNJI-ALADA** [ünj(ü)-alada], *at, ser.* **Ünji.** *Ol ünji-aladasyny bir bada ýadyndan çykardy.*

**ÜNJI-AZAR** [ünj(ü)-aza:r], *at, ser.* **Ünji.** *Gulpagyn tasadyp, ünji-azarsyz, Aýlar bökjeklänin saldy ýadyna* (B. Kerbabaýew).

**ÜNJÜLENMEK** [ünjülönmök], *işl.* Gaýgy-alada batmak.

**ÜNJÜLI** [ünjülü], *syp.* Ünjä batan. *Birden ýagtylandy ünjüli ýüzi, Ýatdy howsalasy, ynjaldy özi* (A. Kekilow).

**ÜNJÜSIZ** [ünjüsüz], *syp.* Ünjüsi ýok, ünjüsi bolmadyk. *Ünjüsiz adam .*

**ÜNS** [ünüs], *at.* Bir zada gönükdirilen dykgat, bir zat hakynda edilýän oý, pikir, alada. *Ol barmaklaryny basyp, galdyryp, üns bilen sanady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Üns bermek** bir zada pikir bermek, dykgat bilen nazar salmak, bir zadyň aladasyny etmek. *Sen onuň gürrüňlerini pugta üns berip diňle hem-de paýhas eleginden elemegi başar* (G. Seýitmädow). **Ünsüni çekmek 1)** biriniň pikirini, dykgatyny bir zada gönükdirmek, birini bir zat gyzyklandyrmak. **2)** bir zat uçin alada etmek, bir zadyň ugrunda çalyşmak. *Häzir biziň ähli ünsümiz şu işe çekildi.*

**ÜNSLI** [ünüslü], *syp.* Her bir zada üns berýän,dykgatly. *Jumanyň gürrüňini çagalaryň hemmesi örän ünsli diňlediler* (N. Geldiýew). *Onuň sözüni ünsli diňleýşi hemmeleriň ünsüni özüne çekdi* ("Türkmenistan").

**ÜNSLÜLIK** [ünüslülük], *at.* Her bir zada üns berijilik, dykgatlylyk.

**ÜNSSÜZ** [ünüssüz], *syp.* Hiç bir zada üns bermeýän, ünsüni jemlemeýän, dykgatsyz.

**ÜNSSÜZLIK** [ünüssüzlük], *at.* Hiç bir zada üns bermezlik, ünsi jemlemezlik, dykgatsyzlyk.

**ÜNTÜŞIK** [üntüşük], *at.* Oý-pikir, üns. *Onuň bar üntüşigi ýazýan zadyndady.*

◊ **Üntüşigini dikmek** bar ünsüni bir zada jemlemek, bileni-biteni bir zat bolmak. *Onuň bar üntüşigini dikýän zady – nireden näme gazanyp bolarka?*

**ÜŇÜRS**, *at.* Bir zady almaly bolanda saklanyp bilmezlik gylygy. *Onuň üňürsi ýokdur, hödür-kerem etseň, barsyny iýer oturyberer.*

**ÜŇÜZ**, *at. kön. s.* **1.** Derýa. **2.** Akabanyň galdyran sudury, yzy galan derýa ugry.

◊ **Üňüz ýaly** köp süýt berýän, süýtli (sygyr hakynda). *Uzyn boýuň gamyşdan, Sakak bagyň kümüşden, Köp süýt sagar ejesi, Üňüz ýaly gäwmişden* (Hüwdi).

**ÜPJÜN,** *syp.* Hemme zady ýerbe-ýer, hiç bir zada mätäç bolmadyk, maddy hal-ýagdaýy oňat, ýeterlik derejede bolan.

◊ **Üpjün bolmak** hemme zady ýerli-ýerinde bolmak, gerekli zatlaryň hemmesi bolmak. **Üpjün etmek** gerekli zatlaryny tapyp bermek.

**ÜPJÜNÇILIK** [üpjünçülük], *at, ser.* **Üpjünlik**. *Çig mal bilen üpjünçilik meselesi hem oňat ýola goýulýar.*

**ÜPJÜNLIK** [üpjünlük], *at.* Üpjün ýagdaýda bolmaklyk, üpjünçilik.

**ÜPÜL-SÜPÜL**, *syp.* Giň, uzyn, sallam-sajak (geýim hakynda). *Üpül-süpül geýim.*

**ÜPÜR-ÇÜPÜR**, *at, ser.* **Üpür-süpür**.

**ÜPÜRJIK**, *at.* Matanyň ýüzündäki we gyralaryndaky çykyşyp duran sapaklar, ürpük, übtük uçlary, üpür-çüpürler. *Ýüzi üpürjik mata.*

**ÜPÜRJIKLI**, *syp.* Ýüzünde we gyrasynda üpürjigi bar bolan.

**ÜPÜRJIKLIRÄK** [üpürjiklirä:k], *syp.* Birneme üpürjikli, azda-kände üpürjikli.

**ÜPÜRJIKSIZ**, *syp.* Üpürjigi ýok, üpürjigi bolmadyk.

**ÜPÜR-SÜPÜR**, *at.* **1**. Ýüzi endigan däl, üpürjikli, üpür-çüpür. **2**. Taşlandy, zyňyndy, gyryndy (ýüp, pagta, köne-küşül we ş.m.).

**ÜRÇ: ürç etmek** bir işi irmän-ýadaman etmek, bir işi höwes bilen ýerine ýetirmek, bir işe yhlasly daraşmak. *Onuň eserleri ähli okyjylaryň ürç edip okaýan eserlerine öwrüldi.*

**ÜRE**, *at, fiz.* **1**. Misiň galaýy we sink bilen birlikdäki ergini, gurşuna meňzeş çal metal. **2**. Gurşun, galaýy we gaýry metallar eredilýän gap. **3**. Gurşun, galaýy eredilenden soňky galan hapasy.

**ÜRGÜN: ürgün çäge** kwarsyň ýa-da başga bir gaty mineralyň biri-birine ýelmeşmeýän örän owunjak dänejikleri. *Ýyljak ürgün çägäniň endama ýakymly täsirinden otuz minutlap lezzet almak mümkin* ("Saglyk"). *Herrikgalanyň gaýrasynda ýerleşýän Sarykölüň ürgün çägesini gysymyňa gysyp saklap bolmaýar, şoňa görä-de irki döwürlerde çäge depeleriniň üstünde düme garpyz lar gowy biter eken.*

**ÜRJEME**, *iş ady.* Ürjemek ýagdaýy.

**ÜRJEMEK**, *işl.* Hereketi artmak, gatnawy köpelmek; güýjemek, gazaplaşmak.

**ÜRJEMEZLIK**, *iş ady.* Güýjemezlik, gazaplaşmazlyk.

**ÜRJÄBERMEK** [ürjä:bermek], *işl.* Ürjäp başlamak.

**ÜRKEK** [ürkök], *syp.* Sähelçe zada tisginip duran, sähelçe zatdan ürküp duran, garaçy (mal hakynda). *Ürkek mal.*

**ÜRKEKLIK** [ürköklük], *at.* Ürkek ýagdaýynda bolmaklyk, ürkek bolmaklyk.

**ÜRKME** [ürükmö], *iş ady.* Ürkmek ýagdaýy.

**ÜRKMEK** [ürükmök], *işl.* Bir zatdan gorkup, üşerilip yza tesmek, tisginip gaçmak (mal hakynda). *At ürken ýerinden, är gorkan ýerinden* (Nakyl). *Bakgallaryň ürküp boşanan ýabylary bazaryň içinde iki baka daýyrdaşýardylar* ("Görogly").

**ÜRKMEKLIK** [ürükmöklük], *iş ady.* Ürkmek ýagdaýy.

**ÜRKMEZLIK** [ürükmözlük], *iş ady.* Ürküp durmazlyk.

**ÜRKÜBERMEK** [ürküvermek], *işl.* Ürküp başlamak.

**ÜRKÜÇ,***at.* Balygyň arkasyndaky ýüzgüji.

**ÜRKÜŞ,***iş ady.* Ürkmek ýagdaýy.

**ÜRKÜŞMEK** [ürküşmök], *işl.* Birnäçe ýa-da köp bolup ürkmek. *Garkyldaşyp gazlar, ürküşip sona,*

*Näge suw çaýkansa, kölden aýypdyr* (Halk aýdymyndan).

**ÜRKÜZIBERMEK** [ürküzüvermek], *işl.* Ürküzip başlamak.

**ÜRKÜZILMEK** [ürküzülmök], *işl.* Biri ýa-da bir zat tarapyndan gorkuzylmak, tisgindirilmek, yza tesdirilmek. *Ürküzilen düýe patyrdyklap gitdi.*

**ÜRKÜZMEK** [ürküzmök], *işl.***1.** Bir zatdan ürker ýaly etmek. *Sary çekirtgäni ölüm bilen gorkuzmak, takyrdy bilen ürküzmek-de mümkin däldi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Özüňden çetleşdirmek, daşlaşdyrmak.

**ÜRKÜZMEZLIK** [ürküzmözlük], *iş ady.* Ürküzip tisgindirmezlik, gorkuzmazlyk.

**ÜRPEK** [ürpök], *at.* Ýagyş sepeländen soňra gumuň, çägäniň ýüzünde emele gelýän gyrpak. *Ürpek gum.*

**ÜSGÜLEWÜK** [üsgülöwük], *at.* Dem alyş agzalarynyň sowuklamagy sebäpli wagtal-wagtal zarply çykýan ses.

**ÜSGÜRIBERMEK** [üsğürüvermek], *işl.* Üsgürip başlamak.

**ÜSGÜRINJIREMEK** [üsğürünjürömök], *işl.* Çalaja üsgürinmek, bogazyňy arçamak. *Ol rahatsyzlyk bilen üsgürinjiredi* (A. Gowşudow).

**ÜSGÜRINMEK** [üsğürünmök], *işl.* Bogazyňy arassalamak üçin üsgürmek. *Gapylarynyň ýanynda üsgürinen bolup, işigi açdym-da, salam berip, öýe girdim* ("Edebiýat we sungat").

**ÜSGÜRIP-ASGYRMAK** [üsğürüv-asğyrmak], *işl.* Üsgürmek we asgyrmak.

**ÜSGÜRIŞ** [üsğürüş], *iş ady.* Üsgürmek ýagdaýy.

**ÜSGÜRME** [üsğürmö], *iş ady.* Üsgürmek ýagdaýy.

**ÜSGÜRMEK** [üsğürmök], *işl.* Dem alyş ýollarynyň kesellemegi sebäpli demiň tutulyp döreýän gyryljyk ses. *Ikinjisi ýigitdi, emma sojaýardy, hasylaýardy we üsgürýärdi* (A. Gowşudow). *Mydam ysgynsyz üsgürýär, Der gelerdi gijelerne* (Ç. Aşyrow).

**ÜSGÜRMEKLIK** [üsğürmöklük], *iş ady.* Üsgürmek ýagdaýy.

**ÜSGÜRMEZLIK** [üsğürmözlük], *iş ady.* Üsgürmän saklanmaklyk, üsgülewügiňi tutdurmazlyk.

**ÜSGÜRTMEK** [üsğürtmök] *işl.* Üsgürer ýaly etmek, üsgülewügini tutdurmak.

**ÜSSE** [üssö], *at.* Bir zat satyn alnanda bahasynyň üstüne berilýän artykmaç pul. *Gel, sagadymyzy çalşaly, näçe diýseň üsse bereýin! Ol aýakgabyny üsse berip alypdyr.*

**ÜSSELEŞMEK** [üssölöşmök], *işl.* Söwda-satykda birinden üsse almak ýa birine üsse bermek. *Başa-baş çalyşmasaňyz, üsseleşäýiň!*

**ÜST,***at.* Bir zadyň ýokarsy, ýokary tarapy, ýokary ýüzi (*üst* sözi ilki degişlilik (şahs) goşulmalaryny, soň düşüm goşulmalaryny kabul edip ulanylýar). *Tamyň üsti. Halynyň üstünde.*

◊ **Üsti açylmak** aýan bolmak, äşgär bolmak, ýüze çykmak, bilinmek.**Üstünde işlemek** haýsydyr bir mesele hakynda iş alyp barmak. **Üstünden barmak** bir zada sezewar bolmak, gabat gelmek, duçar bolmak. *Gidip barýarkalar, bir üsti guýrukly gapanyň üstünden barýarlar* (Halk ertekisinden). **Üstünden dökülmek** *ser.* **Üstünden düşmek** birine azar bermek, birini yzarlamak, bahana aramak. **Üstünden gülmek** birini ýaňsa almak, birini kemsitmek, äsgermezçilik etmek. **Üstünden eltmek** bir zada sezewar etmek, duçar etmek, uçratmak, sataşdyrmak. **Üstünden sowuk suw guýlan ýaly bolmak** duýdansyz bir zatdan gorkmak, eýmenmek, tisginmek, sussuň basylmak. **Üstüne almak** bir işi etmäge boýun bolmak, bir işi boýun almak. **Üstüne atmak** birine bir işi ýerine ýetirmegi tabşyrmak, buýurmak. **Üstüne barmak** biriniň ýanyna barmak, öýüne barmak. **Üstüne çişmek** birine haýbat atmak, gygyrmak, heňkirmek, dazarylmak. **Üstüne gygyrmak** birine haýbat atmak, heňkirmek, dazarylmak. **Üstüne ýüklemek 1)** birine bir işi ýerine ýetirmegi tabşyrmak, buýurmak. **2)** günäni biriniň ýa-da bir zadyň üstüne atmak, nähak ýerden birini günälemek. **Üstüni alyp durmak** gerek bolsa-bolmasa, biriniň ýanyna köp barmak, biriniň ýanyndan aýrylmazlyk, atalap durmak. **Üstüni basyrmak 1)** bir zadyň üstüni mata, keçe we ş.m. bilen örtmek. **2)** syry, kemçiligi, günäni, ýalňyşlygy we. ş. m. gizlemek, ýaşyrmak. **Üstüni dolmak** *ser.* **Üstüni ýetirmek**. **Üstüni gara basdyrmak** gorkunç düýşler görmek, basyrganmak (*ser.* **Gara basmak**). **Üstüni ýetirmek** ýetmeýän zadyň üstüni doldurmak, üstüne goşmak.

**ÜSTAŞYR** [üssa:şyr], *hal.***1**. Biriniň ýa-da bir zadyň üstünden, ýokarsyndan, depesinden (geçýän, geçirilýän zatlar hakynda). *Äýneginiň üstaşyr bolsa, assyrynlyk bilen myhmanyň özüni synlady* (T. Gurbanow). *Ala gözüni haýpy gelijilikli gyrpyldadyp, adamlaryň üstaşyr nirädir daşlara dikdi* (Ý. Mämmediýew). **2**.*göç.m.* Sala salman, geňeşmän, habarly etmän. *Ol başlykdan üstaşyr arza gidipdir.*

◊ **Üstaşyr geçirmek** ýüki başga ýurduň içi bilen geçirmek. **Üstaşyr ýolagçy** başga ýurduň içinden geçip gidýän ýolagçy.

**ÜST-BAŞ** [üst-baş], *at.* Geýim-gejim, daşky eşik, üstki geýim. *Ol üst-başyna endigan timar berşi ýaly, içerini hem yhlas bilen arassa saklaýardy* (G. Kulyýew).

**ÜSTESINE** [üssösünö], *hal.***1**. Gaýtam ýene-de, ondan başga-da. *Üstesine-de howa diýseň yssydy.* **2**. *ser.* **Üsse**.

**ÜSTI-ÜSTÜNE** [üssü-üssünö], *hal.***1**. Biri-biriniň üstüne, gat-gat, gatbar-gatbar. *Üsti-üstüne ýazylan düşekler* **2**. Yzly-yzyna, bassyr-bassyr, üznüksiz. *Şowsuzlyk üsti-üstüne boldy.*

**ÜSTKI** [üstkü], *syp.* Üstünde duran, üstünde ýerleşýän, ýokarsynda duran, daşky. *Ol öýden çykmanka üstki eşiklerine serenjam berdi.*

**ÜSTÜN** [üssün]: **üstün gelmek** *ser.* **Üstün çykmak**. **Üstün çykmak** ýeňiji bolmak, ökde gelmek, ezber gelmek, basmak.

**ÜSTÜNLIK** [üssünlük] **I**, *at.* Işde, okuwda we ş.m. gazanylýan ýeňiş; şowlulyk.

**ÜSTÜNLIK** [üssünlük] **II**, *at.* Odun, ot ýaly zatlar düýä, eşege ýüklenende, iki ýan astynlygyň üstünden goýulýan üýşmek ot, odun.

**ÜSTÜNLIK** [üssünlük] **III**, *at, gepl.d.* Degirmen daşynyň ýokarkysy. *Astynlygyny-da, üstünligini-de dişesin.*

**ÜST-ÜSTE** [üssüssö], *hal.* Biri-biriniň üstünde. *Ýassyklary üst-üste goý.*

**ÜŞBU**, *çal., ser.* **Uşbu**. *Açyldy zemin lälesi, // Üşbu dünýä reýhan bu gün* (Magtymguly). *Nepes diýer, hijriňden köýdüm üşbu zamana, // Eý gözel, sen dek gözel gelermi bu jahana* (Mollanepes).

**ÜŞEK** [üşök], *syp.* Sowuga çydamsyz, sähelçe sowuga dözümsiz, üşegen. *Ol gaty üşekdir.*

**ÜŞEKLIK** [üşöklük], *at.* Sowuga çydamsyzlyk, sähelçe sowuga dözümsizlik, üşegenlik.

**ÜŞEME** [üşömö], *iş ady.* Üşemek ýagdaýy.

**ÜŞEMEK** [üşömök], *işl.***1**. Sowuga çydamsyz bolmak, sowuk howa bedeniňe täsir etmek. *Onuň elleri üşäp, duluklary nar ýaly gyzarypdyr* (A. Durdyýew). **2**. Sowuklamak, sowuk howanyň öte täsiri netijesinde ýoňlamak. *Görýärin welin siz gaty üşäpsiňiz öýdýän* (A. Gowşudow).

**ÜŞEMEKLIK** [üşömöklük], *iş ady.* Üşemek ýagdaýy.

**ÜŞEMEZLIK** [üşömözlük], *iş ady.* Sowuk howa bedene täsir etmezlik.

**ÜŞERIBERMEK** [üşörüvermek],*işl.* Üşerilip başlamak.

**ÜŞERILIŞMEK** [üşörlüşmök], *işl.* Birnäçe adam bilelikde üşerilmek. *Oturanlaryň bary ileri-ileri omzap üşerilişdiler* ("Edebiýat we sungat").

**ÜŞERILMEK** [üşörülmök], *işl.* Haýsy-da bolsa bir zada geň galyp, geňirgäp seredilmek. *Eger olar keýik bolsa, Çerkeziň duranyny görüp, sakga durardylar, oňa bakan üşerilerdiler* (B. Kerbabaýew).

**ÜŞERIŞ** [üşörüş], *iş ady.* Üşermek ýagdaýy.

**ÜŞERIŞMEK** [üşörüşmök], *işl.* Birnäçe bolup geňirgenip seretmek. *Köçeden barýanlar allaniçigsi bolup üşerişdiler* (B. Kerbabaýew).

**ÜŞERME** [üşörmö], *iş ady.* Üşermek ýagdaýy.

**ÜŞERMEK** [üşörmök], *işl.* Bir zada geň galyp, gorkup, çekinip seretmek; gulak asmak. *Eýesini ysgap duran at üşerdi* (Ç. Aşyrow).

**ÜŞERMEKLIK** [üşörmöklük], *iş ady.* Üşermek ýagdaýy.

**ÜŞERMEZLIK** [üşörmözlük], *iş ady.* Üşerip seretmezlik.

**ÜŞERTMEK** [üşörtmök], *işl.* Bir zada geň galyp, gorkup, çekinip seretmek, diňşirgenmek, howatyr edip seretmek, çiňerilip seretmek, diň salmak. *Hasasyna söýenen goja gözlerini üşerdip seretdi, emma salam beren oglany saýgaryp bilmän: – Kimdi bu? – diýip sorady* (B. Kerbabaýew). *Onuň taýhary gulaklaryny üşerdip, birdenkä hynçgyrmaga durdy* (B. Kerbabaýew).

**ÜŞETME** [üşötmö], *iş ady.* Üşetmek ýagdaýy.

**ÜŞETMEK** [üşötmök], *işl.* Biriniň üşemegine sebäp bolmak. *Çagany üşedipsiňiz.*

**ÜŞETMEKLIK** [üşötmöklük], *iş ady.* Üşetmek ýagdaýy.

**ÜŞETMEZLIK** [üşötmözlük], *iş ady.* Üşetmän saklamak. *Yssylatman, üşetmän, Gujagyna alsady* (B. Kerbabaýew).

**ÜŞGI** [üşğü], *at.* Agaç, demir deşmek üçin, şonuň ýaly-da metalyň ýüzüni oýmak üçin şallakynyň agzyna ötürilýän buraw görnüşli enjam.

**ÜŞÜDIŞ** [üşüdüş], *iş ady.* Üşütmek ýagdaýy.

**ÜŞÜK,***at.* Duýgurlyk, aň, akyl; üns, dykgat. *Gepe kimler düşünmeýär, üşügiň bolsa üme düş* (B. Kerbabaýew).

**ÜŞÜKLI** [üşüklü], *syp.* Ünsli, aňly, dykgatly.

**ÜŞÜKLILIK** [üşüklülük], *at.* Üşügi barlyk, üşükli bolmaklyk. *Onuň üşükliligi bir gowy zat.*

**ÜŞÜKSIZ** [üşüksüz], *syp.* Ünssüz, aňsyz, duýgur däl. *Hyzmatkärleriň üşüksizligine gaharlanan şa Hudaýberdä sakçylyk eden iki ýigide azgyryldy* (S. Myradow).

**ÜŞÜTME** [üşütmö] **1**. *iş ady.* Üşütmek ýagdaýy. **2**. Üşüdip gagşadýan kesel.

**ÜŞÜTMEK** [üşütmök], *işl.* Näsaglyk sebäpli bedeniň sowap gagşamak, sandyramak, titremek. *Mähriniň ini çümşüldäp, bir hili üşüdýän ýaly boldy* (A. Gowşudow).

**ÜŞÜTMEKLIK** [üşütmöklük], *iş ady.* Üşütmek ýagdaýy.

**ÜŞÜTMEZLIK** [üşütmözlük], *iş ady.* Üşäp näsaglamazlyk.

**ÜTDÜRMEK** [ütdürmök], *işl.* **1**. Ütmek işini başga birine etdirmek. *Kellebaşaýagy ütdürmek.* **2**. *göç.m.* Hakyňy birine iýdirmek, almaly hakyň bir bölegini gidermek.

**ÜTELGI** [ütölğü], *at.* Laçynlar maşgalasyndan eldeki edilip awa salynýan guş. *Mydam garlydyr başlary, Ütelgi laçyn guşlary* (Kätibi).

**ÜTME** [ütmö], *iş ady.* Ütmek ýagdaýy.

**ÜTMEK** [ütmök], *işl.* **1**. Kellebaşaýak, guş we ş.m. tüýüni, ýelegini ýolup, oda çawlap arassalamak. **2**. *gepl.d., göç.m.* Biriniň hakyny iýmek, birini aldap çürkemek.

**ÜTMEKLIK** [ütmöklük], *iş ady.* Ütmek ýagdaýy.

**ÜTMEZLIK** [ütmözlük], *iş ady.* Ütüp, ýolup, ýelegini, tüýüni aýyrmazlyk.

**ÜTÜBERMEK** [ütüvermek], *işl.* Ütüp başlamak.

**ÜTÜJI**[ütüjü], *at, gepl.d.* Kesekiniň hakyny iýiji, aldaýjy, ýolujy, çürkeýji.

**ÜTÜK I,***at.* Matanyň, geýimleriň ýygyrdyny düzlemek, ýazmak üçin gyzdyrylyp ulanylýan enjam. *Onuň eginbaşy mydama ýap-ýaňyja ütügiň astyndan çykan ýalydy* (A. Gelenow).

**ÜTÜK II,***syp., gepl.d.* Tüýi, ýelegi ütülen, düşen. *Olaryň bir ütük towugy we altyn ýumurtgajygy bar eken* (N. Pomma).

**ÜTÜKLEME** [ütüklömö], *iş ady.* Ütüklemek ýagdaýy.

**ÜTÜKLEMEK** [ütüklömök], *işl.* Matanyň, geýimiň we ş.m. ýygyrdyny ýazmak üçin üstünden

ütük çekmek, ütük ýöretmek. *Eje, meniň iň oňat görýän köýnegim bilen jalbyrymy ütükläweri!* (A. Nazarow).

**ÜTÜKLEMEKLIK** [ütüklömöklük], *iş ady.* Ütüklemek ýagdaýy.

**ÜTÜKLEMEZLIK** [ütüklömözlük], *iş ady.* Ütük etmezlik.

**ÜTÜKLENMEK** [ütüklönmök], *işl.* Üstünden ütük ýöredilip, ýygyrdy ýazylmak. *Ýagşymyrat ütüklenen geýimlerini geýdi* (B. Seýtäkow).

**ÜTÜKLEŞDIRMEK** [ütüklöşdürmök], *işl.* Mata, geýim we ş.m. zatlary bir ýanyndan ütükläp çykmak. *Geýimleriňi ütükleşdirmek.*

**ÜTÜKLEŞMEK** [ütüklöşmök], *işl.* **1.** Ütüklemäge kömekleşmek. **2.** Bilelikde ütüklemek.

**ÜTÜKLETDIRMEK** [ütüklötdürmök], *işl., ser.* **Ütükletmek**.

**ÜTÜKLETMEK** [ütüklötmök], *işl.* Ütüklemek işini başga birine etdirmek. *Eşiklerimi gyz jigime ütükletdim.*

**ÜTÜKLEÝIŞ** [ütüklöýüş], *iş ady.* Ütüklemek ýagdaýy. *Gelniniň eşik ütükleýşine gaýyn enesiniň göwni ýetdi.*

**ÜTÜKLÄBERMEK** [ütüklä:vermek], *işl.* Ütükläp başlamak.

**ÜTÜKLI** [ütüklü], *syp.* Ütüklenen. *Ol ütükli eşiklerini geýdi.*

**ÜTÜKSIZ** [ütüksüz], *syp.* Ütüklenmedik, ütük edilmedik, ütük ýöredilmedik. *Ütüksiz darja jalbary, Ediljek egri dyzyndan* (Ç. Aşyrow).

**ÜTÜLGI** [ütülğü], *syp.* Ütülen, ýelegi ütülip aýrylan. *Ütülgi jüýje.*

**ÜTÜLMEK** [ütülmök], *işl.* **1.** Ýelegi, tüýi ýolnup aýrylmak. *Maral ýelegi ütülen towugy ýuwup arassalady.* **2.** *göç.m.* Hakyňy gidermek, hakyňy iýdirmek.

**ÜTÜLMIŞ** [ütülmüş], *at, gepl.d.*Saçy ütülen, ütülen (kinaýa bilen aýdylýan söz). *Ah-eý, ol ütülmiş garry köpegiň sypaty nähili?* (N. Pomma).

**ÜTÜNMEK** [ütünmök], *işl.* Özüň üçin ütmek.

**ÜTÜŞ**, *iş ady.* Ütmek ýagdaýy.

**ÜTÜŞDIRMEK** [ütüşdürmök], *işl.* Hemmesini bir ýanyndan ütüp çykmak. *Öldürilen horazlary ütüşdirmek.*

**ÜTÜŞMEK** [ütüşmök], *işl.* **1.** Ütmäge kömekleşmek. *Gyzy ejesine kelle ütüşdi.* **2.** Bilelikde ütmek. *Gelinler palawa atyljak towuklary ütüşip otyrdy.*

**ÜWELMEK** [üwölmök], *işl.* **1.** Un görnüşine getirilmek, un edilmek. *Bugdaý üwelmek.* **2.** Ownadylmak, maýdalanmak. *Üwelen et.*

**ÜWEME** [üwömö], *iş ady.* Üwemek ýagdaýy.

**ÜWEMEK** [üwömök], *işl.* **1.** Gallany, dänäni degirmenden geçirip, un görnüşine getirmek, un etmek. **2.** Ýörite maşynlardan geçirip ownatmak, maýdalamak (dürli önümler hakynda). *Maşynda somsalyk et üwemek.* **3.** *gepl.d., göç.m.* Galyň üçin köp zat almak. *Mama Aýnany üwemek isleýär, meniň bolsa düýämi beräýmesem, başga zadym ýok* (B. Kerbabaýew).

**ÜWEMEKLIK** [üwömöklük], *iş ady.* Üwemek ýagdaýy.

**ÜWEMEZLIK** [üwömözlük], *iş ady.* Degirmenden geçirip, un etmezlik.

**ÜWENMEK** [üwönmök], *işl.* Özüň üçin üwemek, un etmek. *El degirmende jöwen üwenmek. Gutaplyk et üwenmek.*

**ÜWEŞDIRMEK** [üwöşdürmök], *işl.* Ählisini üwemek, üwäp çykmak, üwäp gutarmak. *Galan bugdaýlary üweşdirip ýygnaşdyrmak gerek.*

**ÜWEŞMEK** [üwöşmök], *işl.* **1.** Üwemäge kömekleşmek. *Gyzlar gelnejelerine bugdaý üweşdiler.* **2.** Bilelikde üwemek. *Iki sany aýal el degirmende jöwen uweşip otyrdy.*

**ÜWETDIRMEK**[üwötdürmök], *işl., ser.* **Üwetmek**.

**ÜWETME** [üwötmö], *iş ady.* Üwetmek ýagdaýy.

**ÜWETMEK** [üwötmök], *işl.* Üwemek işini başga birine etdirmek. *Bir gün baý ony iki bugdaýy üwetmek üçin Arkaja iberipdir* (A. Gowşudow).

**ÜWEÝIŞ** [üwöýüş], *iş ady.* Üwemek ýagdaýy.

**ÜWMEÇ** [üwmöç], *at.* Pomidory üwäp, degişli goşundylary garmak arkaly taýýarlanan iýmit önümi.

**ÜWMEK** [üwmök], *syp.***1.** Üsti doldurylyp, tümmek edilip üýşürilip goýlan. *Üsti üwmek etli palaw.***2.** Bir ýere üýşüp duran, köp mukdarda toplanan.

**ÜWMELEMEK** [üwmölömök], *işl.***1.** Mazaly tümmekläp goýmak, dolduryp guýmak, tümmek edip guýmak. **2.** Üýşürip, toplap goýmak.

**ÜWMELETMEK** [üwmölötmök], *işl.* Üwmelemek işini birine etdirmek. *Okarany dogramadan üwmeledip alyp geldi.*

**ÜWMELGI** [üwmölğü], *syp.* Üwmek bolup duran üýşürilip goýlan, üýşürilgi.

**ÜWREDIBERMEK** [üwrödüvermek], *işl.* Üwredip başlamak.

**ÜWREG** [üwröğ], *at, gepl.d.* Sallançagyň bady. *Sallançagyň üwregi galdygy çaga oýanýardy.*

**ÜWRELMEK** [üwrölmök], *işl.* Biri tarapyndan herekete getirilmek, yralanmak. *Sallançak üwreldi.*

**ÜWREME** [üwrömö], *iş ady.* Üwremek ýagdaýy.

**ÜWREMEK** [üwrömök], *işl.* Sallançagyň bagyndan çekip, iki ýana yzygiderli hereket etdirmek. *Sallançak üwremek.*

**ÜWREMEKLIK**[üwrömöklük],*iş ady.*Üwremek ýagdaýy.

**ÜWREMEZLIK** [üwrömözlük], *iş ady.* Sallançagyň bagyndan çekip yramazlyk, hereket etdirmezlik.

**ÜWREŞDIRMEK**[üwröşdürmök],*işl.*Hemmesini üwräp oturmak (birnäçe salançak hakynda).

**ÜWREŞMEK** [üwröşmök], *işl.* **1.** Üwremäge kömekleşmek. *Gyzjagaz ejesine sallançak üwreşýärdi.* **2.** Birnäçe bolup sallançak üwremek. *Içki otagda iki sany gelin sallançak üwreşip otyr eken.*

**ÜWRETDIRMEK** [üwrötdürmök], *işl., ser.* **Üwretmek.**

**ÜWRETMEK** [üwrötmök], *işl.* Üwremek işini başga birine etdirtmek. *Onuň gyzyny bolsa baýyň*

*aýallary sallançak üwretmek üçin saklaýan ekenler* (Ertekiler).

**ÜWRÄBERMEK** [üwrä:vermek], *işl.* Üwräp başlamak; üwremegi dowam etdirmek. *Sallançagyň badyny ýatyrma-da üwräber.*

**ÜWÜMLIK** [üwümlük], *syp.* Üwemek üçin, üwär ýaly, üwärlik (däne, galla we ş.m. hakynda). *Bir üwümlik bugdaý.*

**ÜÝ**, *at.* Goşar, gol, aýak süňkleriniň birigýän ýeri, sepişigi. *Durdynyň üýleri gurplandy* (B. Kerbabaýew).

**ÜÝN**, *at.* Ses. *Sözlese har kimin belentdir üýni* (Zynhary).

◊ **Üýn alyşdyrmazlyk** ala-zenzele edip, biri-biriň aýdanyny eşitmez ýaly etmek. *Gijäniň garaňkylygynda ýaňlanýan oba itleriniň sesi hem gorkunç bir üýn bolup eşidilýärdi* (A. Gowşudow).

**ÜÝRDÜRMEK** [üýrdürmök], *işl.* **1**. Üýrer ýaly etmek, üýrmek hetdine ýetirmek. **2**. *göç.m.* Jabjyndyrmak, heňkirtmek (adam hakynda).

**ÜÝRME** [üýrmö], *iş ady.* Üýrmek ýagdaýy.

**ÜÝRMEK** [üýrmök], *işl.***1** . Haw-haw, jöw-jöw, wow-wow etmek, hawwuldyly ses çykarmak (it, güjük hakynda). *It üýrer, kerwen geçer* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Edepsizlik edip, biderek ýere gygyrmak, azgyrylmak, jabjynmak, heňkirmek. *Sakçylary tutgur it dek üýrerler, Atbakar ýanyndan geçme towuşsyz* (Magtymguly).

**ÜÝRMEKLIK** [üýrmöklük], *iş ady.* Üýrmek ýagdaýy.

**ÜÝRMEZLIK** [üýrmözlük], *iş ady.* Üýrüp durmazlyk.

**ÜÝRÜBERMEK** [üýrüvermek], *işl.* Üýrüp başlamak.

**ÜÝRÜŞ,** *iş ady.* Üýrmek ýagdaýy.

**ÜÝRÜŞMEK** [üýrüşmök], *işl.* Birnäçe bolup üýrmek, bilelikde üýrmek. *Itler ýabşynyp-ýabşynyp üýrüşýärdiler* (Ý. Mämmediýew).

**ÜÝŞENDIRIJI** [üýşönnürüjü], *syp.* Sussuňy basyjy, çekindiriji, ätiýaç etdiriji. *Üýşendiriji ses.*

**ÜÝŞENDIRMEK** [üýşönnürmök], *işl.* Birini birneme çekindirmek, gorkuzmak, ätiýaç etdirmek.

**ÜÝŞENIŞMEK** [üýşönüşmök], *işl.* Birden köp bolup bilelikde üýşenmek.

**ÜÝŞENIBERMEK** [üýşönüvermek], *işl.* Üýşenip başlamak.

**ÜÝŞENME** [üýşönmö], *iş ady.* Üýşenmek ýagdaýy.

**ÜÝŞENMEK** [üýşönmök], *işl.* Birinden sussuň basylmak, ätiýaç etmek, çekinmek, birneme gorkmak. *Bir sözüm bar, diýe bilmen üýşene, Aýdaýynmy, aýtmaýynmy, ne diýr sen?* ("Saýatly – Hemra"). *Bir zatdan üýşenen ýaly, endamym jümşüldäp gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÜÝŞENMEKLIK** [üýşönmöklük], *iş ady.* Üýşenmek ýagdaýy.

**ÜÝŞENMEZLIK** [üýşönmözlük], *iş ady.* Çekinmezlik, gorky döremezlik.

**ÜÝŞME** [üýşmö] **I**, *iş ady.* Üýşmek ýagdaýy.

**ÜÝŞME** [üýşmö] **II**, *iş ady.* Üýşmek, toplanmak ýagdaýy.

**ÜÝŞMEK** [üýşmök] **I**, *işl.* **1**. Bir ýere ýygnanmak, bir ýere jemlenmek, çogdamlanmak, toparlanmak (adam hakynda). *Adamlar ýygnaga üýşüp geldiler.*

◊ **Depe saçyň üýşmek** gorkmakdan ýa-da gynanmakdan ýaňa üstüňden sowuk suw guýlan ýaly bolmak, gaty gorkmak.

**ÜÝŞMEK** [üýşmök] **II**, *at.***1.** Üýşürilip goýlan zat. *Ine, ummasyz pagta harmany, biz muňa ak altynyň üýşmegi diýýäris* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Birnäçe adamdan ybarat bolan ýygnanyşyk, märeke, mähelle; üýşüp duran, oturan adamlar. *Beýle ýandaky üýşmekde ýaşulularyň, ýaş-ýeleňleriň gürrüňi gidýärdi* (R. Gelenow). **3**. *gepl.d.* Üýşmeleň, kiçiräk toý. *Elimiz agzymyza ýetse, bir kiçiräk üýşmek edäýsek diýýäs.*

**ÜÝŞMEKLIK** [üýşmöklük] **I**, **II**. *iş ady.* Üýşmek ýagdaýy.

**ÜÝŞMEK-ÜÝŞMEK** [üýşmök-üýşmök], *syp.* Birnäçe üýşmekden ybarat, köp üýşmek bolup duran, topbak-topbak. *Aşhananyň öňünde hem odunlar üýşmek-üýşmek basylyp goýlan eken* ("Edebiýat we sungat").

**ÜÝŞMELEŇ** [üýşmölöň], *at.* **l**. Adamlaryň toplumy, märeke, mähelle, jemende. *Wepa göýä şu üýşmeleňi geň görýän ýaly, syn edip durdy. Durdugyça üýşmeleň köpelýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Adamlar çagyrylyp geçirilýän kiçiräk toý, gellebäri, oturylyşyk we ş.m. *Ýakyn günlerde ýaş çagalar üçin bizde üýşmeleň boljak* (B. Kerbabaýew).

**ÜÝŞMEZLIK** [üýşmözlük], *iş ady.* Bir ýere toplanmazlyk.

**ÜÝŞÜBERMEK** [üýşüvermek], *işl.* Bir ýere üýşüp, toplanyp başlamak.

**ÜÝŞÜRIBERMEK** [üýşürüvermek], *işl.* Bir ýere toplap, üýşürip başlamak.

**ÜÝŞÜRILMEK** [üýşürülmök], *işl.* Üýşmek edilip goýlan. *Emma boglan desseler, üýşürilen harmanlar meýdanda galdy* (H. Ysmaýylow).

**ÜÝŞÜRIŞDIRMEK** [üýşürüşdürmök], *işl.* Birnäçe zady bir ýere toplaşdyrmak, üýşürip, toplap çykmak.

**ÜÝŞÜRIŞMEK** [üýşürüşmök], *işl.* **1**. Üýşürmäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde üýşürmek.

**ÜÝŞÜRME** [üýşürmö], *iş ady.* **1**. Üýşürmek ýagdaýy. **2**. Palasa we öýdelip dokalýan zatlara salynýan topbak-topbak garşylykly goçaklar, nagyş.

**ÜÝŞÜRMEK** [üýşürmök], *işl.* Bir ýere toplap goýmak, jemläp, ýygnap goýmak, çogdamlamak, toplamak, tümmek edip goýmak. *Gara tüňçäniň düýbüne ot üýşürip, güýmenjiräp oturan Leýla ýalt edip yzyna garady* (G. Kulyýew).

**ÜÝŞÜRMEKLIK** [üýşürmöklük], *iş ady.* Üýşürmek ýagdaýy.

**ÜÝŞÜRMEZLIK** [üýşürmözlük], *iş ady.* Bir ýere toplamazlyk, jemlemezlik.

**ÜÝŞÜRTMEK** [üýşürtmök], *işl.* Üýşürmek işini başga birine etdirmek.

**ÜÝŞÜŞMEK** [üýşüşmök], *işl.***1**. Bir ýere üýşüp başlamak, kem-kemden üýşmek. *Bu wagt ýagyş biraz ýagjak ýaly etdi, goňşy aýallar üýşüşip, Orazsoltan ejäniň çatmasyna geldiler* (H. Derýaýew). **2**. Birtopar bolup üýşmek. *Adamlar bolsa galanyň güneýinde ýa-da guzaýynda üýşüşip, gürrüňe meşguldylar* (A. Gowşudow).

**ÜÝTGEDIBERMEK** [üýtgödüvermek], *işl.* Bir ýanyndan üýtgedip başlamak.

**ÜÝTGEDIJI** [üýtgödüjü]: **söz üýtgediji** *dil b.* sözi ýöňkemede, düşümde we ş. m. üýtgetmek hyzmatyny ýerine ýetirýän (goşulmalar hakynda). *Türkmen diliniň goşulmalary söz üýtgediji, söz ýasaýjy, şekil ýasaýjy goşulmalar diýen ýaly toparlara bölünýär.*

**ÜÝTGEDILMEK** [üýtgödülmök], *işl.* **1**. Öňki ýagdaýyndan başga ýagdaýa, görnüşe geçirilmek. **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň ýerine başga biri ýa-da bir zat goýulmak, çalşyrylmak.

**ÜÝTGEDIŞMEK**[üýtgödüşmök],*işl.*Üýtgetmäge, başga ýagdaýa geçirmäge kömekleşmek.

**ÜÝTGEME** [üýtgömö], *iş ady.* Üýtgemek ýagdaýy.

**ÜÝTGEMEK** [üýtgömök], *işl.* **1**. Öňki görnüşinden başga görnüşe, başga hala geçmek, özgerişe sezewar bolmak. **2**. Zaýalanmak, harap bolmak. *Nahar üýtgäpdir.* **3**. *göç.m.* Aradan çykmak, aýrylmak, ýogalmak, ölmek (çaga hakynda). **4**.*göç.m.* Akyly çaşmak, ýeldirgemek. *"Neressejigiň akly üýtgäp ýören bolmasa-da biridir!" diýen howatyr bilen onuň sowalynyň sebäbini soramady* (B. Kerbabaýew).

**ÜÝTGEŞIGRÄK** [üýtgöşüğrä:k], *syp.* Ozalkydan birneme üýtgeşik, azda-kände üýtgeşik.

**ÜÝTGEŞIK** [üýtgöşük], *syp.***1**. Ozalkylardan tapawutly, öňkülere meňzeş däl, başga hili. *Pirguly aganyň ýer kümesiniň beýlekilerden üýtgeşik ýeri ýokdy* (B. Seýtäkow). **2**. Aýratyn, bir hili, geň, täsin, ajaýyp. *Dostumyň üýtgeşik häsiýeti bardy.*

**ÜÝTGEŞIKLIK** [üýtgöşüklük], *at.* Aýratynlyk, täzelik. *Şa gyzynyň häsiýetinde näme üýtgeşiklik aňlandygyny sorapdyr* ("Türkmenistan").

**ÜÝTGEŞMEK** [üýtgöşmök], *işl.***1**. Dura-bara üýtgemek. **2**. Üýtgeşik görnüşe geçmek. *50-nji sahypadan soň kitabyň kagyzlarynyň reňki üýtgeşdi* (B. Seýtäkow).

**ÜÝTGETDIRMEK** [üýtgötdürmök], *işl., ser.* Üýtgetmek işini başga birine etdirmek.

**ÜÝTGETMEK** [üýtgötmök], *işl.* **1**.Başga görnüşe salmak, üýtgeýşe sezewar etmek, ozalkysyndan başga hala geçirtmek. **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň ýerine başga birini ýa-da bir zady goýmak, çalşyrmak, täzelemek.

**ÜÝTGEWSIZ** [üýtgöwsüz], *syp.* Bir durkuny ýitirmän, bir durşunda durýan, üýtgemeýän, berk, durnukly.

**ÜÝTGEWSIZLIK**[üýtgöwsüzlük],*at.* Üýtgewsiz ýagdaýda bolmaklyk.

**ÜZDÜRMEK** [üzzürmök] **I**, *işl.* Üzmek, ýolmak işini başga birine etdirmek, ýoldurmak.

**ÜZDÜRMEK** [üzzürmök] **II**, *işl.* Algylynyň hakyny berdirmek, karz alan zadyňy berdirmek.

**ÜZÄRLIK** [üzä:rlik], *at. ösüml.d.* Özboluşly ysly, ak gülli, togalajyk däneli otjumak derman ösümligi, ýüzärlik.

**ÜZEŇŇI** [üzöňňü], *at.***1**. At, eşek ýaly ulaglara aýagyňy basyp münmek we aýagyňy ildirip oturmak üçin eýere, gaňňa gaýyş arkaly berkidilýän demir halkaly esbap. *Müngä bolmaz ýaz aýynda bakmasaň, Üzeňňiň üzüler gaýyş dakmasaň* (Durdy Gylyç). **2**. *dokm.* Gülä berkidilip, sallanyp duran, taranyň erşiniň arasyny iki taraplaýyn açmak üçin gezekli-gezegine basylýan iki sany halka ýüp.

◊ **Üzeňňisinden üç geçmek** birine ýaranjak bolup çalyşmak, biriniň öňünde ýaranjaňlyk edip hyzmat etmek, üçürdiklemek.

**ÜZEŇŇILIK [**üzöňňülük**] I**, *syp.* Üzeňňi etmek üçin niýetlenen (gaýyş).

**ÜZEŇŇILIK** [üzöňňülük] **II**, *at.* Aýagyň daraklyk bilen ökje aralygyndaky oý ýeri.

**ÜZEŇŇISIZ** [üzöňňüsüz], *syp.* Üzeňňisi ýok. *Jan dyndarmaz gyjakçyň bolsa, ulagda üzeňňisiz oturan ýaly bor eken* ("Edebiýat we sungat").

**ÜZLEM-SAPLAM** [üzlöm-saplam], *syp.* **1**. Arasy üzülýän, yzygiderli bolmadyk, baglanyşyksyz. *Bu üzlem-saplam sözleri aýdansoň, kempir aşak oturdy* (B. Soltannyýazow). **2**. Käwagt bir, seýrek, selçeň, bölek-bölek. *Käýerde üzlem-saplam bulutlar görünýärdi.*

**ÜZLEM-SAPLAMLYK** [üzlöm-saplamlyk], *at.* Üzlem-saplam ýagdaýda bolmaklyk.

**ÜZLEM-SAPLAMRAK** [üzlöm-saplamyra:k], *syp.* Üzlem-saplama ýakynrak. *Onuň sowallara beren jogaby üzlem-saplamrak boldy.*

**ÜZME** [üzmö] **I**, **II**, *iş ady.* Üzmek ýagdaýy.

**ÜZMEK** [üzmök] **I**, *işl.***1**. Ýolmak, arasyny bölmek. *Syçan ylgawyna gelip, ýolbars daňlan ýüpi dişi bilen kertip üzüpdir* (Halk ertekisinden). **2**. Agajyndan, biýarasyndan ýolup, çirtip almak. *Baglaryňdan hoşa üzüm üzenim* (K. Işanow). **3**. *gepl.d.* Sözüň, gürrüňiň arasyny bölmek. *Ol sözüniň arasyny üzdi.*

**ÜZMEK** [üzmök] **II**, *işl.* Algyly bilen hasaplaşmak, bergiňden dynmak, bergiňi berip gutarmak.

**ÜZMEKLIK** [üzmöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Üzmek ýagdaýy.

**ÜZMEZLIK** [üzmözlük], *iş ady.* Üzmek işini amal etmezlik.

**ÜZNÜKSIZ** [üznüksüz], *syp.* Arasy üzülmeýän, birsyhly, dyngysyz, yzygiderli. *Üznüksiz çekilen zähmet öz miwesini berdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÜZNÜKSIZLIK** [üznüksüzlük], *at.* Üznüksiz halda bolmaklyk.

**ÜZŇE** [üzňö], *syp.***1**. Biri-birinden arasy açyk, her ýerde biri. *Olar merkezden uzakda bolsalar-da, özlerini bütin halkyň durmuşyndan üzňe duýmaýarlar.* **2**. Baglanyşygy bolmadyk, özbaşdak, baglanyşyksyz.

**ÜZŇELEŞDIRMEK** [üzňölöşdürmök], *işl.* Biri-birinden arasyny daşlaşdyrmak, baglanyşyksyz etmek, aýrybaşga etmek, aýyrmak.

**ÜZŇELEŞMEK** [üzňölöşmök], *işl.* Biri-biri bilen arasy üzülmek, daşlaşmak, arasy daş bolmak, baglanyşyksyz bolmak.

**ÜZŇELIK** [üzňölük], *at.* Üzňe ýagdaýda bolmaklyk. *Dostuna daýançly açyk göwünler, Aýralyk, üzňelik duýmaýardylar* (A. Kekilow).

**ÜZŇELIKDE** [üzňölükdö], *at.* Aýry-aýrylykda, aýratynlykda.

**ÜZŇERÄK** [üzňörä:k], *syp.* Azda-kände üzňe.

**ÜZRE** [üzürö], *at, k.d.* Üstünde, üst. *Synam üzre hijran dagy goýmagyl, Ýar meni söýmese, neçün baraýyn* ("Şasenem – Garyp").

**ÜZÜK I**, *at.* Ak öýleriň uklarynyň üstüne ýapylýan keçe. *Ýöne öňki tüsseleriň düýdi ýüzbaşly köneje öýüň uklaryny, üzüklerini hüýt gara edipdi* (B. Kerbabaýew).

**ÜZÜK II**, *syp.* Arasy ýolnan, bitewi däl, kesik, üzülen, gyrlan (ýüp we ş. m. hakynda). *Üzük ýüp.*

**ÜZÜKBAG** [üzükba:ğ], *at.* Üzügi durlugyň üsti bilen tärimiň aşak etegine berkitmek üçin ýörite işilen ýa-da örülen ýüp. *Serpikbagyny daň, üzükbagyny berkle!* (A. Gowşudow).

**ÜZÜKLIK** [üzüklük] **I,** *syp.* Üzük üçin taýýarlanan ( keçe).

**ÜZÜKLIK** [üzüklük] **II,** *at.* Üzük bolmaklyk (ýüp we ş. m. hakynda).

**ÜZÜK-ÝOLUK,** *syp.* **1.** Bitewi däl, ýoluk-ýoluk, gyrym-gyrym, üzülen. *Üzük-ýoluk ýüpler.* **2.** Arasy üzülýän, yzygiderli bolmadyk, üzlem-saplam. *Ýene üzük-ýoluk çykdy sözleri, Näme üçindir ýere bakdy gözleri* (D. Baýmyradow).

**ÜZÜLIŞMEK** [üzülüşmök], *işl.* **1.** Algyly bilen hasaplaşmak, algy-bergiňi doly hasaplaşmak, algy-bergiden dynmak. *Şony berseň, kemsiz üzülişýäris* (A. Gowşudow). **2.** *göç. m.* Aryňy almak, aryňy gidermezlik. *Şunluk bilen gumrynyň kasasyny pilden üzülişdiler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÜZÜL-KESIL,** *syp.* Aýgytly, berk, açyk, aýdyň, gutarnykly, kesgitli. *Şunuň bilen gözagyry we başga ýokanç keselleri döredýän ýagdaýlar üzül-kesil ýok edilýär* (S. Karanow).

**ÜZÜLMEK** [üzülmök], *işl.* **1.** Ýolunmak, arasy bölünmek. *Tylla ahyr bozuldy, Kümüş köken üzüldi* ("Türkmen halk ertekileri"). *Watan ammarlaryna galla daşaýan maşyn kerwenleri entegem yzy üzülmän gelip dur* ("Türkmenistan"). **2.** *gepl.d.* Jany çykmak, dem almasy kesilmek.

◊ **Üzülip bilmezlik** demi gelip-gidip, ölüp bilmän ýatmak, demi sogrulmazlyk ( agyr syrkaw hakynda).

**ÜZÜLMEZ** [üzülmöz], *at.* Gaýma we keşde bilen bejerilýän, egin-eşiklere salynýan, burçlary biri-biri bilen birleşip, yzy üzülmän gidýän kerpiç-kerpiç nagyş.

**ÜZÜM,***at.* **1.** Çyrmaşagan çybykly miweli agaç. *Gol-aýagyň her ýan uzadyp üzüm, Ýat parahat başyň büräp, hoş imdi* (Seýdi). **2.** Şol agajyň salkym-salkym süýji miwesi. *Galany tüýs barypýatan gara üzümiň kişmişi - diýip, haltany silkeläp güjeňleýän ýaly görkezdi* (A. Gowşudow). **3.** Gyza dakylýan at.

◊ **Üzümiň suwy ýaly** näzik, içen suwy alkymyndan görünýän, owadan (ýaş gyz hakynda).

**ÜZÜMÇI** [üzümçü], *at.* Üzüm ýetişdirýän, üzüm ýygýan. *Üzümçiler üzümiň dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdirdiler.*

**ÜZÜMÇILIK** [üzümçülük], *at.* **1.** Oba hojalygynyň üzüm ekip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy. **2.** *ser.* **Üzümlik.**

**ÜZÜMLIK** [üzümlük], *at.* Üzüm ekilen meýdan, üzümiň köp ekilen ýeri, üzümçilik. *Derýa bilen galanyň aralygy ýazylyp ýatan üzümlik, tutluk, ekerançylyk ekeni* (N. Pomma).

**ÜZÜR: üzür ötünmek** *gepl.d.* tüýs ýürekden ötünç soramak. *Şonuň üçin ol pyşyrdy bilen üzür ötündi* (B. Kerbabaýew).

**ÜZÜŞ I, II,***iş ady.* Üzmek ýagdaýy.

**ÜZÜŞDIRMEK** [üzüşdürmök] **I,** *işl.* Üzüp çykmak, ýolup çykmak, hemmesini üzmek, ýoluşdyrmak. *Ýüpleri üzüşdirmek.*

**ÜZÜŞDIRMEK** [üzüşdürmök] **II,** *işl.* Algydarlar bilen hasaplaşmak, bergileriňi berip çykmak.

**ÜZÜŞMEK** [üzüşmök] **I,** *işl.* Üzmäge kömekleşmek.

**ÜZÜŞMEK** [üzüşmök] **II,** *işl.* Bergisini bermäge kömek etmek**.**

# W

**W,** Türkmen elipbiýiniň ýigrimi ýedinji harpy.

**WA** [wa:], *üml., k.d.* Waý. *Wa-hasrata, göwün hoşum, Hemrahym* ("Saýatly – Hemra"). *Tilinde seniň adyň, wa, Leýli! diýip aýdardy* (Andalyp).

**WA-A** [wa'a:], *üml.* Etmeli zady etmändigiň, diýmeli sözi diýmändigiň we ş.m. birden ýadyňa düşen badyna aýdylýar.

**WADA** [wa:da], *at.* Bir zady ýerine ýetirmek üçin berilýän söz, äht. *Wadaňa wepaly bolmak. Wada bermek. Wada etmek.*

◊ **Wadaňda tapylmak (durmak)** beren sözüňi ýerine ýetirmek. *Ol wadasynda tapylmak üçin, gaty jan edip işleýär.* **Wadaňy ýuwutmak** beren sözüňde tapylmazlyk, ähtiňden dänmek. *Ne üçin wadalar etdiň? Eden wadalaryň ýuwutdyň* ("Şasenem – Garyp").

**WADALAŞMA** [wa:dalaşma], *iş ady.* Wadalaşmak ýagdaýy.

**WADALAŞMAK** [wa:dalaşmak], *işl.* Bir işi ýerine ýetirmek ýa-da ýerine ýetirmezlik we ş.m. üçin biri-biriňe söz bermek, wada etmek. *Biz onuň bilen ertiri wadalaşypdyk ahyry* (G. Kulyýew).

**WADALAŞMAKLYK** [wa:dalaşmaklyk], *iş ady.* Wadalaşmak ýagdaýy.

**WADALAŞMAZLYK** [wa:dalaşmazlyk], *iş ady.* Wada edişmezlik.

**WADALAŞYBERMEK** [wa:dalaşyvermek], *işl.* Wadalaşyp başlamak.

**WADALAŞYK** [wa:dalaşyk], *at.* Iki adamyň ýa-da taraplaryň arasynda edilen wada, äht, deslapky gepleşik. *Wadalaşygy ýatdan çykarmagyn.*

**WADALAŞYLMAK** [wa:dalaşylmak], *işl.* Wada edişilmek. *Ol hemişekisi ýaly, alaýaz bolup, wadalaşylan ýere geler* ("Edebiýat we sungat").

**WADALY** [wa:daly], *syp.* **1**. Wada edilen, wadalaşylan, belleşilen. *...Paltosynyň ýakasyny galdyryp, Ýigdekçe barýardy wadaly jaýa* (G. Ezizow). **2**. Wada edişilen kimdir biri (köplenç, gyz maşgala). *Wadalysy gelen adam garçygaý guş ýaly dalmynyp otyr* ("Görogly").

**WADALYLYK** [wa:dalylyk], *at.* Wadasy barlyk, wadaly halda bolmaklyk.

**WADARYG** [wa:dary:ğ], *k.d* "Wah, arman" manysyndaky gynanjy bildirýän ümlük.

**WADASYZ** [wa:dasyz], *syp.* Wada edilmedik, söz berilmedik, äht edilmedik.

**WADASYZLYK** [wa:dasyzlyk], *at.* Wadasyz halda bolmaklyk, edilen wadasy ýokluk.

**WADY-WADY**, *at, ser.* **Wadyr-wadyr**.

**WADYR-WADYR**, *s. ş. aňl. söz.* Çalt-çaltdan ýogyn ses bilen gatyrak gürlenende çykýan sesler, madyr-madyr.

**WADYRDABERMEK** [wadyrda:vermek], *işl.* Wadyrdap başlamak.

**WADYRDAMA**, *iş ady.* Wadyrdamak ýagdaýy.

**WADYRDAMAK,** *işl.* Çalt-çaltdan ýogyn ses bilen gatyrak gürlap, ýaňrap oturmak, madyrdamak.

**WADYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Çalt-çaltdan ýogyn sesli gatyrak gürlap, ýaňrap oturmazlyk, madyrdamazlyk.

**WADYRDAŞMAK**, *işl.* Çalt-çalt düşnüksiz sözleşmek, gürrüň edişmek.

**WADYRDATMAK,** *işl.* Kimdir birini wadyrdadyp gürletmek.

**WADYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Wadyrdamak ýagdaýy.

**WADYRDY**, *at.* Çalt-çaltdan ýogyn sesli gatyrak gürlenende çykýan sesiň ady. *Öýdäkileriň wadyrdysy gije ýarymdan soň hem ýatmady.*

**WAG** [wağ], *s. ş.aňl. söz.* **1**. Köpçülikleýin gürrüň edilende döreýän şowhunly ses, wagyr, galmagal, gopgun. **2**. Siňekler, arylar we ş.m. köpçülikleýin uçanda çykýan ses.

◊ **Wag bermek 1)** köpçülik bolup şowhunly gürrüňleşmek, topar bolup ýygnanyşyp, wagyr edip oturmak. *Daş-töweregimizde märeke wag berýärdi* ("Edebiýat we sungat"). **2)** waggyldyly seslenmek (arylar, siňekler we ş.m. hakynda). *Öýjügi bozulan gara arylar dumly-duşda wag berýärdiler* (N. Hojageldiýew).

**WAGALAŇ-ŞAGALAŇ** [wağalaň-şağalaň], *at.* Toý-tomaşalyk, şadyýanlyk, üýşmeleň.

**WAGGA** [wağğa], *hal.* Birden wag edip, waggyldyly ses bilen, gowur edip, köpçülik bolup.

**WAGGYLDABERMEK** [wağğylla:vermek], *işl.* Waggyldap başlamak.

**WAGGYLDAMA** [wağğyllama], *iş ady.* Waggyldamak ýagdaýy.

**WAGGYLDAMAK** [wağğyllamak], *işl.* **1.** Waggyldyly ses etmek, waggyldyly ses çykmak. *Märekäniň waggyldaýan sesi asmana göterildi.* **2.** *göç.m.* Galmagal etmek, şowhun etmek, goh etmek. *Sen waggyldamaňy goý!*

**WAGGYLDAMAZLYK** [wağğyllamazlyk], *iş ady.* Waggyldyly ses etmezlik, waggyldyly ses çykmazlyk; galmagal etmezlik, şowhun etmezlik, goh etmezlik.

**WAGGYLDAŞMAK** [wağğyllaşmak], *işl.* Köp bolup waggyldamak. *Waggyldaşyp durmaň-da, öýli-öýüňize dargaň.*

**WAGGYLDATMAK** [wağğyllatmak], *işl.* Waggyldyly ses çykartmak, waglatmak. *Suwy waggyldadyp akdyrdy.*

**WAGGYLDY** [wağğylly], *at.* Köp mukdardaky suwuň ýokardan aşak inendäki ýa-da üýşen märekäniň, köp guşuň galmagally çykýan güňleç sesiniň ady.

**WAGLAMA** [wağlama], *iş ady.* Waglamak ýagdaýy.

**WAGLAMAK** [wağlamak], *işl.* Wag-wag edip guýulmak, dökülmek, akmak. *Sil suwy waglap akýardy.*

**WAGLAMAKLYK** [wağlamaklyk], *iş ady.* Waglamak ýagdaýy.

**WAGLAMAZLYK** [wağlamazlyk], *iş ady.* Waggyldyly seslenip guýulmazlyk, dökülmezlik, akmazlyk.

**WAGLAŞMAK** [wağlaşmak], *işl.* Birnäçe ýerden waglamak.

**WAGLATDYRMAK** [wağlatdyrmak], *işl.* Waglaýan ses çykartmak.

**WAGLATMAK** [wağlatmak], *işl.* Gapdaky suwy ýuwaşlyk bilen däl-de, waggyldyly seslendirip guýmak, dökmek. *Suwy wagladyp guýmak.*

**WAGLATMAZLYK** [wağlatmazlyk], *iş ady.* Waglar ýaly etmezlik.

**WAGLAÝYŞ** [wağlaýyş], *iş ady.* Waglamak ýagdaýy.

**WAGON** [wağo:n], *at.* Ýolagçylary gatnatmak we ýük daşamak üçin relsiň üstünde öz tigirleri arkaly ýöreýän ulag serişdesi (*ser.* **Magun**). *Ýük wagony. Ýolagçy wagony.*

**WAGŞY** [wağşy / wağşy:], *syp.* **1**. Haýwan etini iýip ýaşaýan ýyrtyjy, ýabany (haýwan hakynda). *Onuň pikiriçe, wagşy haýwanlaryň hemmesi otdan gaçarmyş* (A. Gowşudow). *Möjek hem öz ugruna örän hilegär wagşydyr* (B. Gurbanow). **2**. *göç.m.* Ynsanlyk mertebesini ýitiren, zalym, haýyn, ganhor, ýyrtyjy. *Ah, wagşylar indi näderler meni* (A. Alamyşow).

**WAGŞYÇYLYK** [wağşy:çylyk], *at, ser.* **Wagşylyk**.

**WAGŞYÇYLYKLY** [wağşy:çylykly], *syp.* Ynsanlyk mertebesinden çykylyp edilýän, wagşyçylyga has bolan. *Wagşyçylykly hereket.*

**WAGŞYLAŞMA** [wağşy:laşma], *iş ady.* Wagşylaşmak ýagdaýy.

**WAGŞYLAŞMAK** [wağşy:laşmak], *işl.* Wagşylyk derejesine ýetmek.

**WAGŞYLAŞMAKLYK** [wağşy:laşmaklyk], *iş ady.* Wagşylaşmak ýagdaýy.

**WAGŞYLAŞMAZLYK** [wağşy:laşmazlyk], *iş ady.* Wagşylyk derejesine ýetmezlik.

**WAGŞYLAŞYBERMEK** [wağşy:laşyvermek], *işl.* Wagşylaşyp başlamak.

**WAGŞYLAŞYŞ** [wağşy:laşyş], *iş ady.* Wagşylaşmak ýagdaýy.

**WAGŞYLYK** [wağşy:lyk], *at.* Ynsanlyk mertebesinden çykylyp edilýän hereket.

**WAGŞYÝANA** [wağşyýa:na], *syp.* **1.** Wagşylara mahsus bolan, wagşyçylyk bilen edilýän hereket, ýyrtyjylykly. *Olaryň wagşyýana birehimlik bilen atýan oklarynyň ýekejesi-de boş geçenokdy* (G. Kulyýew). **2.** *göç.m.* Wagşy haýwan ýaly, elhenç. *Olaryň bogaz ýyrtyp, ýer ýumruklap, wagşyýana gygyryşlary howsala salyp, heziliňi gaçyrýardy* ("Edebiýat we sungat").

**WAGŞYÝANALYK** [wağşyýa:nalyk], *at.* Wagşy häsiýete mahsus bolan hereket, wagşylyk, zalymlyk. *Faşistleriň wagşyýanalygy örän elhençdi.*

**WAGT** [wağyt], *at.* **1**. *filos.* Barlygyň hereketi bilen jebis baglanyşykly ýagdaýda üznüksiz we yzygiderli dowam edýän ählumumy ýaşaýyş şekili; zaman. *Hemme zat şerte, ýere we wagta baglydyr.* **2**. Zamanyň asyrlar, ýyllar, günler, sagatlar we ş.m. bilen ölçelýän we ähli wakalaryň, ähli bolup geçýän zatlaryň ýaşaýyş dowamlylygyny bildirýän akymy. **3**. Sagatlaryň, günleriň, ýyllaryň yzygiderli çalyşýan dowamynyň ölçegi ýa-da ölçeg ulgamy. *Aşgabat wagty bilen sagat on. Ikindi wagty.* **4**. Sagatlaryň, günleriň, ýyllaryň yzygiderli we dowamly çalşygyndaky bolup geçýän, bir maksat üçin niýetlenen ýa-da bir maksat üçin peýdalanylmagy mümkin bolan möhlet aralygy, pursat. *Wagtdan dogry peýdalanmak. Wagty elden bermezlik.* **5**. Günüň, ýylyň dowamynda bir işiň, wakanyň, hadysanyň bolýan ýa-da bolup geçýän, ýaşaýan belli bir möwriti, pursaty. *Agşam wagty. Ýagyşly wagt. Gündiz wagty.*

◊ **Wagty bilen** gelmeli, gitmeli, turmaly we ş.m. gymyldy-hereket etmeli wagtyndan geçirmän, wagtyndan gijikdirmän. *Başlygyň ýanyna girmekçidim weli, öňümden giren adam wagty bilen turmady.* **Wagtyňy hoşlamak (çaglamak)** keýpiňi köklemek, şatlanmak, hezil etmek. *Jeren atym münüp, wagtym çaglaýyp, Gijeler gowuşyp gülen ýerlerim* (Seýdi).

**WAGT-WAGT** [wağyt-wağyt], *hal, ser.* **Wagtal-wagtal**. *Ýolukman geçen, wagt-wagt sabaşan hem bolýardy, ýöne ýene duýman durkaň burup taşlaýardy* (T. Gurbanow).

**WAGTAL-WAGTAL** [wağtal-wağtal], *hal.* Käwagt, kämahal, käte-käte, çendan-ýarym, wagt-wagt. *Deňiz üstünden wagtal-wagtal şemal ösýärdi.*

**WAGTLAÝYN** [wağytlaýyn], *syp., hal.* **1**. Belli bir wagt dowamynda bolýan, çäklenen bir möhletde hereket edýän, az wagtlyk. *Ol adamlar bu ýere wagtlaýyn gelipdirler.* **2**. Belli bir wagtda, belli bir pursatda gelip-geçip duran, hemişelik däl, hemişelik bolmadyk. **3**. Möwsümleýin, belli bir wagt aralygynda ýerine ýetirilýän. *Wagtlaýyn iş.*

**WAGTLAÝYNÇA** [wağytlaýynça], *hal, ser.* **Wagtlaýyn 2**. *Onuň işini-de wagtlaýynça meniň üstüme atdylar* ("Edebiýat we sungat").

**WAGTLY-WAGTYNDA** [wağytly-wağtynna], *hal.* Öňünden bellenen wagtda, barmaly wagtda, gijä galman, wagt taýdan belli bir yzygiderlilikde. *Wagtly-wagtynda iýip-içmek. Wagtly-wagtynda ýatmak.*

**WAGT-ORUN** [wağt-orun]**: wagt-orun düşüm** *dil b. kimde? nämede? nirede?* diýen soraglara jogap bolýan, bir zadyň wagtyny, ornuny aňladýan düşüm.

**WAGTYNDA** [wağtynna], *hal.* Öňünden bellenen wagtda, barmaly wagtda, gijä galman. *Görogly bu gezek hem wagtynda ýetişýär* ("Görogly").

**WAGTYHOŞ** [wağtyhoş], *syp.* Keýpi kök, keýpli, şadyýan, aladasyz, hoşwagt. *Wagtyhoş adam. Wagtyhoş ýaşamak.*

**WAGTYHOŞLUK** [wağtyhoşluk], *at.* **1**. Keýpi köklük, keýplilik, aladasyzlyk. *Ol wagtyhoşluk bilen ýuwaşja hiňlenýärdi.* **2**. Şadyýanlyk, şagalaňlyk, *Aýdym-saz – wagtyhoşluk, imisalalyk üçin döredilen sungat* ("Edebiýat we sungat").

**WAGYR** [wağyr], *s.ş.aňl.söz.* Köpçülik bolup geplenende, gürlenende, gülnende we ş.m. ýagdaýda emele gelýän ses. **2.** *at.* Gykylyk, gopgun, goh, şowhun. Ş*ol wagt golaýdan märekäniň wagry eşidildi* (G. Kulyýew). **3.** *at, göç.m.* Gürrüň, gep, habar, myş-myş. *Ol Gyrmyzyny kowmady, kem-kemden obada-da wagyr ýatdy* (T. Gurbanow).

**WAGYRDABERMEK** [wağyrda:vermek], *işl.* Wagyr edip başlamak.

**WAGYRDAMA** [wağyrdama], *iş ady.* Wagyrdamak ýagdaýy, haly.

**WAGYRDAMAK** [wağyrdamak], *işl.* Wagyr etmek, galmagal, gykylyk etmek, gopgun, goh turuzmak.

**WAGYRDAMAKLYK** [wağyrdamaklyk], *iş ady.* Wagyrdamak ýagdaýy.

**WAGYRDAMAZLYK** [wağyrdamazlyk], *iş ady.* Wagyrdy etmezlik.

**WAGYRDAŞMAK** [wağyrdaşmak], *işl.* Köpçülikleýin wagyrdamak. *Gaty-gaty gepleşip, nämäniň nämedigine düşünmekçi bolup wagyrdaşdylar* (B. Seýtäkow).

**WAGYRDATMAK** [wağyrdatmak], *işl.* Wagyr etdirmek, galmagal, gykylyk etdirmek, gopgun, goh turuzmak.

**WAGYRDY** [wağyrdy], *at.* Köpçülik bolup geplenende, gürlenende, gülnende we ş.m. emele gelýän sesiň ady. *Gazma gabsaly ak öýüň içinden*

*çykýan gülki gatyşykly wagyrdyny eşitdi* (B. Kerbabaýew).

**WAGYR-ŞAGYR** [wağyr-şağyr], *at.***1**. Şadyýana şowhunly gürrüň. *Olaryň wagyr-şagry ýatmady.* **2**. *göç.m.* Wagtyhoşluk, keýpi-sapa üçin edilýän şagalaň, üýşmeleň, oturylyşyk, kiçijik meýlis. *Wagyr-şagyr etmek.*

**WAGYR-ŞAGYRLYK** [wağyr-şağyrlyk], *at.***1**. Keýpi köklük, şadyýanlyk, şatlyk. *Gyzlar wagyr-şagyrlyk bilen geldiler* (A. Durdyýew). **2**. *göç, m.* Şagalaňly oturylyşyk, meýlis, üýşmeleň.

**WAGYR-WAGYR** [wağyr-wağyr], *s.ş.aňl.söz., ser.* **Wagyr**.

**WAGYR-WUGUR** [wağyr-wuğur], *s.ş.aňl.söz.* Itler urşanda, gemrişende yzly-yzyna eşidilýän sesler.

**WAGYZ** [wağyz], *at.* **1**. Her hili garaýyşlary, ideýalary, taglymatlary, bilimleri ýaýratmak we giňişleýin düşündirmek işi. **2**. Giň halk köpçüligine öňe sürülýän ideýalar arkaly täsir etmek işi.

**WAGYZÇY** [wağyzçy], *at.* Wagyz edýän adam, wagyz-nesihat edýän adam, nesihatçy.

**WAGYZ-NESIHAT** [wağyz-nesi:hat], *at.* Bir pikiri, taglymaty, bilimi we ş.m. halk köpçüligine ýaýratmak maksady bilen edilýän gürrüň, nesihat, öwüt-ündew.

**WAGYZ-NESIHATÇY** [wağyz-nesi:hatçy], *at.* Köpçülik arasynda wagyz-nesihat işlerini alyp barýan adam, nesihat beriji adam.

**WAH,** *üml.* Bir zada gynanylanda we ş.m. ýagdaýda aýdylýar. *Wah, seniň diliň gursun, diliň!* ("Myraly"). *Wah, gelneje, men kakamy tanaýaryn ahyry* (B. Seýtäkow). – *Wah, jan doganlar, olar obada tüýs erkek ýokdugyny bilip gelipdirler* (H. Derýaýew. Ykbal,[10, 68 s.].

**WAHA,** *at, maldarç.* Gylýallaryň aýaklaryna düşýän ýelli çiş keseli. *Baýtallaryň, ýabylaryň ýa art aýagy, ýa-da öň aýagy wahalydy* (N. Pomma).

**WAH-ARMAN** [wah-arma:n], *üml.* Ökünji, gynanjy, ahmyry aňladýan söz. *Wah arman! Aşyra miýesser gelen bolsam, men hem öz atlylarym bilen Tejende galmagym mümkindi* (B. Kerbabaýew).

**WAHARMAN** [waharma:n], *at.* Saralyp bişýän daşy torly gawunyň bir görnüşi. *Ter waharman tapan, tultuk kyrkgünlük küýsemez* (G. Gurbansähedow).

**WAHEÝ,** *üml., ser.* **Wah-waheý.** *Waheý, edenim gursun, öň näme aýtmadyň?*

**WAH-WAH**, *üml.* Adamyň has gaty gynanjyny, ökünjini, ýadawlyk duýmak ýaly içki duýgusyny aňladýar.

**WAH-WAHEÝ** *üml., ser.* **Wah-wah**. *Wah-waheý, Leýli jan! Meni beladan gutarjak bolup, ýolbars agzyna özüň düşdüňmi?* (G. Kulyýew). *–Wah-wah-eý, bilim uçup gelýä – diýip, ikinji bir ses zeýrenjiredi* (N. Hojageldiýew).

**WAJYP** [wa:jy:p], *syp.* Aýratyn uly ähmiýeti bolan, gaýragoýulmasyz, derwaýys, möhüm, zerur. *Galla oragynyň barşy şu günleriň iň wajyp meselesleriniň biridir* ("Nesil").

**WAJYPLYK** [wa:jy:plyk], *at.* Ähmiýetlilik, derwaýyslyk, möhümlik, zerurlyk. *Meseläniň wajyplygy. Habaryň wajyplygy.*

**WAJYR-WAJYR**: wajyr-wajyr etmek *gepl.d.* Çalt-çaltdan düşnüksiz gürlemek, geplemek. *Ol wajyr-wajyr edip, näme diýjek bolýar?*

**WAJYR-WUJUR,** *s.ş. aňl.söz, ser.* **Wajyr-wajyr.**

**WAJYRDABERMEK** [wajyrda:vermek], *işl.* Wajyrdap başlamak.

**WAJYRDAMA,** *iş ady.* Wajyrdamak ýagdaýy.

**WAJYRDAMAK,** *işl.***1.** Bir zadyň üstünden basylanda wajyrdyly ses çykmak, wajyrdyly seslenmek, wajyr-wajyr etmek. *Onuň aýagynyň aşagynda bir zat wajyrdap gitdi.* **2**. *gepl.d.* Çalt-çaltdan düşnüksiz gürlemek, geplemek. *Ol nämä wajyrdaýar?*

**WAJYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wajyrdyly ses çykarmazlyk; wajyrdyly gürlemezlik.

**WAJYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup, çalt-çaltdan düşnüksizräk sözleşmek, wajyr-wajyr edişmek.

**WAJYRDAŞYBERMEK** [wajyrdaşyvermek], *işl.* Birnäçe bolup, wajyr-wajyr edip sözleşip başlamak.

**WAJYRDATMAK,** *işl.* Wajyrdyly ses çykartmak, wajyrdyly seslendirmek. *Üstünden basyp wajyrdatdy.*

**WAJYRDA-WUJUR,** *at.* Özara wajyrdaşyp edilýän düşnüksiz gürrüň. *Ozallar onuň ýanyna gelip bilmeýän çagalary indi "wajyrda-wujur" bolşup, daşyndan aýrylanoklar.*

**WAJYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Wajyrdamak ýagdaýy.

**WAJYRDY,** *at.* **1**. Käbir ýumşak zatlar basylyp mynjyradylanda we ş.m. ýagdaýda çykýan sesiň ady. **2**. Özara çalt-çaltdan edilýän düşnüksiz gürrüň.

**WAJYRT**, *s.ş. aňl.söz.* Käbir ýumşak zatlar basylyp mynjyradylanda we ş.m. ýagdaýda çykýan ses. *Wajyrt etmek.*

**WAJYRT-WAJYRT**, *s.ş.aňl.söz.* Käbir ýumşak zatlar basylyp mynjyradylanda we ş.m. ýagdaýda yzly-yzyna çykýan sesler. *Wajyrt-wajyrt etmek.*

**WAŽ,** *s.ş.aňl.söz.* Ajadylan, turşadylan önümlerden, gazlandyrylan suwdan we ş.m. çykýan ses. *Gazly suw bulgura guýlanda waž edip ýokary galdy.*

**WAŽYRDABERMEK** [wažyrda:vermek], *işl.* Wažyrdap başlamak.

**WAŽYRDAMA,** *iş ady.* Wažyrdamak ýagdaýy.

**WAŽYRDAMAK,** *işl.* Waž edip ses çykmak, waž edip seslenmek.

**WAŽYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wažyrdy emele gelmezlik.

**WAŽYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe zatdan wažyrdyly ses çykyp başlamak.

**WAŽYRDATMAK** *işl.* Wažyrdyly ses çykarmak.

**WAŽYRDY,** *at.* Ajadylan ýa-da turşadylan önümlerden, gazlandyrylan suwdan we ş.m. çykýan sesiň ady.

**WAŽYRDYLY,** *syp.* Wažyrdap duran.

**WAŽYRDYSYZ,** *syp.* Wažyrdysy ýok, wažyrdysy bolmadyk.

**WAKA** [wa:ka], *at.* Jemgyýetçilik durmuşynda ýa-da şahsy durmuşda ýüz beren garaşylmadyk hadysa, ýagdaý.

**WAKGYLDABERMEK** [wakgylla:vermek], *işl.* Wakgyldap başlamak.

**WAKGYLDAMA** [wakgyllama], *iş ady.* Wakgyldamak ýagdaýy.

**WAKGYLDAMAK** [wakgyllamak], *işl.* **1**. Wak-wak etmek, wak-wak edip ses çykarmak (towyk hakynda). *Towuk wakgyldap ketege girdi. Towuklar wakgyldap başladylar.* **2**. *göç.m., ser.* **Lakgyldamak**. *Oguldursun bimahal gygyran towuk ýaly wakgyldap gopgun turuzdy* (B. Gulow).

**WAKGYLDAMAZLYK** [wakgyllamazlyk], *iş ady.* Wak-wak etmezlik.

**WAKGYLDAŞMAK** [wakgyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde wak-wak etmek. *Adamlar ogra gargynýardylar, it üýrýärdi, towuklar wakgyldaşýardy* ("Edebiýat we sungat").

**WAKGYLDATMAK** [wakgyllatmak], *işl.* Wak-wak edýän ses çykartmak.

**WAKGYLDY** [wakgylly], *at.* **1**. Towuk ýa-da başga bir guşuň wak-wak edip çykarýan sesiniň ady. *Towuklaryň wakgyldysy ýatan çagalary oýardy.* **2**. *göç.m.* Biderek, dereksiz boş gürrüň. *Seniňem biderek wakgyldyň gutarmady-la.*

**WAKGYLDYSYZ** [wakgyllysyz], *syp.* Wakgyldysy ýok, wakgyldysy bolmadyk. *Wakgyldysyz towuk bolmaz.*

**WAKSINA** [vaksi:na], *at, lukmanç.* Mikro-organizmlerden (bakteriýalardan, wiruslardan ) ýa-da olaryň ýaşaýşy bilen bagly önümlerden alynýan we ýokanç keselleriň öňüni alyş hem-de bejeriş maksatlary bilen adamlardyr haýwanlaryň şeýle kesellere garşy durnuklylygyny berkitmek üçin ulanylýan serişde.

**WAK-WAK,** *s.ş. aňl.söz.* Towuk wakgyldanda çykýan ses. *Horazlar wak-wak edýärdi.*

**WAKYP,** *at, k.d.* Köpçülik haýryna ömürlik bagyşlanan, berlen zat. *Wakyp ýer.*

◊ **Wakyp etmek** köpçüligiň haýryna bermek, bagyşlamak. *Iki uly ýaby we Zöhräniň bagyny aşyklaryň ýoluna wakyp etdi* ("Zöhre – Tahyr").

**WAKYRDABERMEK** [wakyrda:vermek], *işl.* Wakyrdap başlamak, sesli gülüp başlamak.

**WAKYRDAMA,** *iş ady.* Wakyrdamak ýagdaýy.

**WAKYRDAMAK,** *işl.* Şowhunly gülmek, gaty sesli, wakyrdyly gülmek. *Töwerekdäkiler muňa wakyrdap gülüşdiler* (G. Kulyýew).

**WAKYRDAMAKLYK,** *iş ady.* Wakyrdamak ýagdaýy.

**WAKYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wakyrdap gülmezlik.

**WAKYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup wakyrdap gülmek. *Oturanlar wakyrdaşyp gülüşdiler* (G. Kulyýew).

**WAKYRDAŞYBERMEK** [wakyrdaşyvermek], *işl.* Wakyrdyly gülşüp başlamak. *Ependiniň ýomaklaryny eşidip oturan adamlar wakyrdaşyberdiler.*

**WAKYRDATMAK,** *işl.* Wakyrdyly güldürmek.

**WAKYRDY,** *at.* **1**. Şowhunly, galmagally gülnende emele gelýän sesiň ady **2**. Köpçülikleýin gülki.

◊ **Wakyrda bermek** bilelikde wakyrdap gülmek. *Bulary görenler, içlerini tutuşyp berdiler wakyrda* (H. Derýaýew).

**WAKYRRA: wakyrra gülüşmek** birden wakyrdaşyp gülmek. *Hemmeler wakyrra gülşenlerini duýman galdylar.*

**WAKYR-ŞAKYR,** *at.* **1**. Demir zatlaryň biri-birine degmeginden çykýan sesiň umumy ady. **2**. Gerekli-gerekmez zatlar, şakyr-şukur.

**WAKYR-WAKYR,** *s.ş. aňl.söz.* Köpçülik bolup gülnende çykýan şowhunly ses. *Adamlar wakyr-wakyr gülüşdiler.*

**WALA,** *at, gepl.d.* Köp gepleýän, lakgy, ýaňra.

**WALALAÝLABERMEK** [walalaýla:vermek], *işl.* Walalaýlap başlamak.

**WALALAÝLAMA,** *iş ady.* Walalaýlamak ýagdaýy.

**WALALAÝLAMAK,** *işl.* Sesine bat berip, ýerliksiz gürlemek. *Ol walalaýlap otyr.*

**WALALAÝLAMAZLYK,** *iş ady.* Walalaýlap gürlemezlik.

**WALALAÝLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup, wala-wala edişip oturmak. *Olar walalaýlaşyp, bir zatlar diýýärdiler.*

**WALA-WALA,** *at.* Sese bat berlip edilýän ýerliksiz gürrüň. *Onuň wala-walasy ýatmady.*

◊ **Wala-wala etmek** biderek ýaňramak, samahyllap oturmak. *Nunna pälwan gürrüňdeşine gözügidijilik bilen seretdi-de, birden wala-wala edip, Gytja tarap ýöneldi* (B. Hudaýnazarow).

**WALEÝKIM** [wa:leýkim], *ser.* **Waleýkimessalam.** *Waleýkim, gel, Berdi aga, düşek üstünden otur* (A. Durdyýew).

**WALEÝKIMESSALAM** [wa:leýkimessala:m], *at.* "Salam", "salawmaleýkim" diýip ýüzlenen adamyň salamy alnanda, "özüňize hem salam bolsun" diýen manyda aýdylýan söz. *Waleýkimessalam, gelen ýagşy!* (H. Ysmaýylow).

**WALLA,** Öz aýdýan zatlaryň dogrudygyny, mamladygyňy nygtamak, ynandyrmak, şonuň ýaly-da biriniň sözüni tassyklamak üçin aýdylýan ümlük. *Ýa walla, keýwany, şuny bildiň-ow!* (H. Ysmaýylow).

◊ **Walla kessin** *gepl.d.* özüniň mamladygyny, aýdýan zatlarynyň dogrudygyny subut etmek, tassyklamak, şonuň ýaly-da birine bir zady ynandyrmak üçin aýdylýan aňlatma. *Walla kessin şu ýagdaýda, Oýun düşýär, seň ýadyňa* (K. Gurbannepesow).

**WAL-WAL,** *at, ser.* **Wala-wala**

**WALY** [wa:ly], *at, k.d.* Häkim. *Kylar men any walyýy Horasan* (Abdysetdar Kazy).

**WAŇK-WAŇK,** *s.ş. aňl.söz.* It urlanda we ş.m. ýagdaýda agyrysyna çydaman çykarýan zaryn sesi. *Waňk-waňk etmek.*

**WAŇKYLDY** [waňkylly], *at.* It urlanda we ş.m. ýagdaýda agyrysyna çydaman çykarýan zaryn sesiniň ady.

**WAŇKYRMA,** *iş ady.* Waňkyrmak ýagdaýy.

**WAŇKYRMAK,** *işl.* It urlanda we ş.m. ýagdaýda agyrysyna çydaman, waňk-waňk edip çyňsamak. *Akbaý yzyndan, göýä diýersiň, kowgy gelýän ýaly, guýrugyny ýamzyna gysyp waňkyryp geldi* (B. Annageldiýew).

**WAŇKYRMAZLYK,** *iş ady.* Waňk-waňk etmezlik.

**WAŇKYRTMAK,** *işl.* Urup waňkyrmak derejesine ýetirmek. *Ýakymsyz oglan itiň böwrüne daş bilen urup waňkyrtdy.*

**WAŇKYRYBERMEK** [waňkyryvermek], *işl.* Waňkyryp başlamak.

**WAŇKYRYŞ,** *iş ady.* Waňkyrmak ýagdaýy.

**WAŇKYRYŞMAK,** *işl.* Birnäçe it waňkyrmak. *Şonda taýagyň jaýdar degenleri waňkyryşyp, dyr-pytrak boldy* (R. Gelenow).

**WAŇLAMA,** *iş ady.* Waňlamak ýagdaýy.

**WAŇLAMAK,** *işl.* **1**. Düýäň boýnuna dakylýan düňk waňňyldyly seslenmek. **2.** *gepl.d.* Tükeniksiz gürläp oturmasy düňküň sesi ýaly ýaňlanyp eşidilmek. *Emma ejeligimiň dili hatardaky düňküň dili ýaly birsyhly waňlap durýar* (B. Kerbabaýew).

**WAŇŇYR-WAŇŇYR**, *s.ş. aňl.söz.* Düýäniň boýnuna dakylýan düňkden we ş.m. çykýan ses.

**WAŇŇYRDABERMEK** [waňňyrda:vermek], *işl.* Waňňyrdap başlamak.

**WAŇŇYRDADYBERMEK** [waňňyrdadyvermek], *işl.* Waňňyrdadyp başlamak.

**WAŇŇYRDAMA,** *iş ady.* Waňňyrdamak ýagdaýy.

**WAŇŇYRDAMAK,** *işl.* Düýäniň boýnuna dakylýan düňk waňňyrdyly seslenmek.

**WAŇŇYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Waňňyrdyly ses çykarmazlyk.

**WAŇŇYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe zat waňňyrdamak. *Agama geljek gyzyň, Düwmesi waňňyrdaşar* (Läle). *Düýeleriň boýnundan asylan düňkler waňňyrdaşýardylar.*

**WAŇŇYRDATMAK,** *işl.* Waňňyrdyly seslendirmek, waňňyr-waňňyr etdirip ses çykartmak, waňňyrdy döretmek.

**WAŇŇYRDY,** *at.* Demir gaplaryň we ş.m. biri-birine degmeginden emele gelýän güňleç gaty sesiň ady.

**WAŇ-WAŇ**, *at.* Köplenç, misden ýasalan zatlar biri-birine degende, gaty zat bilen urlanda ýaňlanyp çykýan ses.

**WARAK I,** *syp. gepl.d.* Ulanylyşdan galan, könelen, zaýalanan, çagşan, döwük. *Oňa bir warak, taşlandy dutar satyn alyp berdiler* (N. Saryhanow).

**WARAK II,** *at, k.d.* Kitabyň, depderiň we ş.m. içindäki kagyzlarynyň biri, tagta kagyz, sahypa.

**WARAKLAMA,** *iş ady.* Waraklamak ýagdaýy.

**WARAKLAMAK**, *işl., kön.s.* Kitabyň, depderiň we ş.m. sahypalaryny agdaryşdyryp çykmak, gözden geçirmek. *Men derrew onuň sahypalaryny waraklap çykdym* (N. Saryhanow).

**WARAKLAMAZLYK,** *iş ady.* Waraklap çykmazlyk.

**WARAKLANMAK,** *işl., gep. d.* Sahypalary ýekän-ýekän gözden geçirilmek, sahypalara ýekän-ýekän seredilip çykylmak.

**WARAKLATMAK,** *işl.* Kimdir birine kitabyň, depderiň sahypalaryny agdartmak.

**WARAKLY**, *syp.* Sahypaly. *Zer warakly, ýüzi gyzyl jezwelli, Okadygym kitap, gurhan, gal indi* (Seýdi).

**WARHAM**, *at.* Bulaşyk, bulam-bujar. *Köp pakyrlar aglaşyp, geler andan amana, Istäri bar az wagtdan warham bolsa zamana* (Magtymguly).

**WARHAM-TARHAM:** **warham-tarham etmek**, bulam-bujar etmek, görer ýaly etmezlik.

**WARÝANT** [varyýa:nt], *at.* Haýsydyr bir zadyň üýtgeşik görnüşi.

**WARÝANTLAŞMA** [varyýa:ntlaşma], **1**. *iş ady.* Warýantlaşmak ýagdaýy. **2**. *dil.b.* Biri-biriniň ýerine ulanylma. *Dürs aýdylyşdaky warýantlaşma. Sözleriň warýantlaşmasy. Stilistik warýantlaşma.*

**WARÝANTLAŞMAK** [varyýa:ntlaşmak], *işl., dil.b.* Görnüşi üýtgemek; şol bir hyzmaty ýerine ýetirmek üçin bir sözüň ýerine başga söz, ses, goşulma gelmek.

**WARÝANTLY** [varyýa:ntly], *syp.* Warýanty bar bolan. *Warýantly aýdyly*ş.

**WARÝANTLYLYK** [varyýa:ntlylyk], *at, dil.b.* Warýanty barlyk, warýantly bolmaklyk. *Morfologik warýantlylyk.*

**WARK-WARK**, *s.ş. aňl.söz.* Gurbaganyň we käbir guşlaryň çykarýan sesi. *Gurbagalaryň wark-warky ýatyşdy.*

**WARKYLDABERMEK** [warkylla:vermek], *işl.* Warkyldap başlamak (gurbaga hakynda).

**WARKYLDAMA** [warkyllama], *iş ady.* Warkyldamak ýagdaýy.

**WARKYLDAMAK** [warkyllamak], *işl.* **1**. Wark-wark edip seslenmek, warkyldyly ses çykarmak (gurbaga, kepderi, gögerçin we ş.m. hakynda). *Garaňky düşende gurbagalar warkyldap başlady*. **2**. Wark-wark edip, gaty ses bilen gülmek.

**WARKYLDAŞMAK** [warkyllaşmak], *işl.* **1**. Köp sanlysy warkyldamak. *Gijelerine gurbagalar warkyldaşýarlar.* **2**. *gepl.d.* Köp adam bolup gaty gülmek. *Toýa gelen aýallar warkyldaşyp, ala-ýaz bolşup otyrdylar.*

**WARKYLDY** [warkylly], *at.* **1**. Gurbaga we käbir guşlaryň çykarýan sesiniň ady. *Guşlaryň warkyldysy*. **2**. Gaty çykýan gülki.

**WARLABERMEK** [warla:vermek], *işl.* Warlap başlamak. *Ol uçar duran ýerinde warlaberdi.*

**WARLAMA,** *iş ady.* Warlamak ýagdaýy.

**WARLAMAK,** *işl.* War-war edip seslenmek, warryldyly ses çykarmak. *Asmandan uçarlaryň warlaýan sesleri eşidilýärdi.*

**WARLAMAZLYK,** *iş ady.* Warlaýan ses çykarmazlyk.

**WARRA-WURRA** [warra-wurro], *at*. Düşnüksiz, gödek äheňde gepleýiş, düşnükli-düşnüksiz sözleýiş. *Bular-aýt, biri-birleriniň warra-wurrasyna özleri beri düşünýärmikäler?* (B. Kerbabaýew).

**WARRYK,** *syp*. **1**. Gorkak, züwwetdin. *Ol gijelerine öýden çykyp bilmeýän barypýatan warrykdy.* **2**. Ugursyz gürläp ýören.

**WARRYKLABERMEK** [warrykla:vermek], *işl.* Warryklap başlamak.

**WARRYKLAMA,** *iş ady.* Warryklamak ýagdaýy.

**WARRYKLAMAK,** *işl.* Warryk-warryk edip seslenmek, warryk-warryk edýän ses çykarmak. *Kölden gurbagalaryň warryklaýan sesi gelip durdy.*

**WARRYKLAMAZLYK,** *iş ady.* Warryk-warryk etmezlik.

**WARRYKLAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden köpçülikleýin warryk-warryk etmek. *Gurbagalar warryklaşýardylar* (N. Jumaýew).

**WARRYK-WARRYK**, *s.ş.aňl.söz.* Gurbagalar dowamly saz-söhbet edende çykarýan sesi. *Kölde gurbagalaryň warryk-warrygyndan başga ses eşidilmeýärdi.*

**WARRYLDABERMEK** [warrylla:vermek], *işl.* Warryldap başlamak.

**WARRYLDAMA** [warryllama], *iş ady.* Warryldamak ýagdaýy.

**WARRYLDAMAK** [warryllamak], *işl.* War-war edip seslenmek, war-war etmek.

**WARRYLDAMAZLYK** [warryllamazlyk], *iş ady.* War-war etmezlik.

**WARRYLDAŞMAK** [warryllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde war-war etmek. *Olar warryldaşyp, ýüregimize düşdüler.*

**WARRYLDATMAK** [warryllatmak], *işl.* War-war edýän ses çykartmak. *Ol ertirden bäri traktoryny warryldadyp, ýer sürüp ýör.*

**WARRYLDY** [warrylly], *at,* Traktoryň, uçaryň we ş.m. motory işlän mahalynda emele gelýän güňleç gaty sesiň ady. *Uzyn gijeläp traktoryň warryldysy ýatmady.*

**WARSAKY,** *at.* Biderek, boş, bolgusyz, ugursyz-utgasyz (gürrüň). *Ýönekeý warsaky gürrüňleriň söýgä, hakyky söýgä öwrülip gidenini özleri-de duýman galdylar* (B. Pürliýew).

◊ **Warsaky urmak** biderek, ugursyz gürrüň etmek. *Sen warsaky urmaly bolanda, diliňi kireýine alan ýaly* (B. Kerbabaýew).

**WARSAKYÇY,** *at.* Warsaky gürrüňler aýdýan adam.

**WARSYLDAMA** [warsyllama], *iş ady.* Warsyldamak hereketi.

**WARSYLDAMAK** [warsyllamak], *işl.* Warsyldyly ses çykmak, warsyldyly seslenmek (*ser.* **Pörsüldemek**). *Iňňe onuň elinden warsyldap çümdi.*

**WARSYLDAMAZLYK** [warsyllamazlyk], *iş ady.* Warsyldyly ses çykarmazlyk.

**WARSYLDATMAK** [warsyllatmak], *işl.* Iňňäni, pyçagy teniň bir ýerine, garpyza we ş.m. sokup warsyldyly ses çykarmak. *Ol pyçagy garpyzyň böwründen warsyldadyp sokdy.*

**WARSYLDY** [warsylly], *at.* Bedene iňňe, garpyza pyçak sünjülende we ş.m. ýagdaýda döreýän sesiň ady.

**WAR-WAR: war-war etmek** ýogyndan gaty ses bilen gürlemek.

**WAS**, *s.ş.aňl.söz.* Pökginiň we ş.m. ýeli çykýan wagtynda döreýän ses.

**WASLAMAK** [wasylamak], *işl.* Was edip ses çykmak.

**WASP** [wasyp], *at.* Taryp, öwgi. *Ylym gerek seniň waspyň ýazmaga* (Kemine).

**WASPNAMA** [wasypna:ma], *at, edeb.* Taryhy wakanyň ýa-da şahsyň hatyrasyna bagyşlanyp ýazylan şygyr.

**WASSYKLAMA,** *iş ady.* Wassyklamak ýagdaýy.

**WASSYKLAMAK,** *işl.* Ýel berýän we ýel alýan zatdan wassyk-wassyk edip, wassyldyly ses çykmak. *Ana açyk bir eýwanda körük wassyklap, kömürden al-ýaşyl ýalyn bulaýlanýardy* (B. Kerbabaýew).

**WASSYKLAMAZLYK,** *iş ady.* Wassyk-wassyk etmezlik.

**WASSYKLAŞMAK,** *işl.* Ýel berýän we ýel alýan zatdan wassyklap ses çykmak ýa-da çykarmak. *Ussahanada basylýan körükler wassyklaşyp, ojakdaky demirleri gyzdyrýardy.*

**WASSYKLATMAK,** *iş ady,* Wassyk-wassyk etdirip seslendirmek, wassyldyly ses çykartmak. *Körügi wassykladyp, ody mazaly güýçlendirdi.*

**WASSYKLATMAZLYK,** *iş ady.* Wassyk-wassyk etdirmezlik.

**WASSYKLAÝYŞ,** *iş ady.* Wassyklamak ýagdaýy.

**WASSYLDAMAK** [wassyllama], *işl., ser.* **Wassyklamak.**

**WASSYLDAŞMAK** [wassyllaşmak], *işl., ser.* **Wassyklaşmak.**

**WASSYLDATMAK** [wassyllatmak], *işl., ser.* **Wassyklatmak.**

**WASSYLDY** [wassylly], *at.* Körük işledilende çykýan sesiň ady.

**WASSYK-WASSYK,** *at,* Körük basylanda waslap çykýan ýeliň sesi.

**WAS-WAS,** *syp.* Haýsydyr bir zat hakynda ýüregiňe dowul düşme arkaly ýüze çykýan psihiki kesel. *Was-was adam. Was-was bolmak. Was-was keseli.*

◊ **Was-wasa düşmek** aljyramak, başagaý bolmak, özüňi ýitirmek, eliňi-aýagyňy ýitirmek. *Daýzam was-wasa düşüp ýören bolaýmasyn* ("Edebiýat we sungat").

**WAS-WASLYK,** *at.* Was-was halda bolmaklyk.

**WAS-WASY,** *syp.* , *ser.* **Was-was**. *Şeýle bir was-wasy boldum, edil birden üstüme ýagy döküläýjek ýaly* (B. Öwezow).

**WAS-WASYLYK,** *at.* Was-wasy halda bolmaklyk.

**WAS-WASYRAK** [was-wasyra:k], *syp.* Azda-kände was-wasy. *Meniň göwnüme bolmasa, ol was-wasyrak.*

**WASYRDABERMEK** [wasyrda:vermek], *işl.* Wasyrdyly ses çykyp başlamak.

**WASYRDAMAK,** *işl.* Wasyr-wasyr edip seslenmek, wasyrdyly ses çykarmak. *Üstünden suw guýlan ot wasyrdap öçdi.*

**WASYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wasyr-wasyr edip ses çykarmazlyk.

**WASYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe ýerden wasyrdyly ses çykmak (üstüne suw guýlan köz, gor hakynda).

**WASYRDATMAK,** *işl.* Wasyr-wasyr etdirip seslendirmek, wasyrdyly ses çykartmak.

**WASYRDY,** *at.* Üstünden suw guýlan otdan, gordan we ş.m. çykýan sesiň ady.

**WASYR-WASYR,** *s.ş. aňl.söz.* Üstünden yzly-yzyna suw guýlan otdan, gordan çykýan sesler

**WAŞYRDABERMEK** [waşyrda:vermek], *işl.* Waşyrdap başlamak.

**WAŞYRDAMA,** *iş ady.* Waşyrdamak ýagdaýy.

**WAŞYRDAMAK,** *işl.* Hyýar ýaly ter zat agzyňa salnyp çeýnelende waşyr-waşyr edip ses çykmak (*ser.* **Paşyrdamak**).

**WAŞYRDAMAZLYK,** *iş ady..* Waşyr-waşyr edýän ses çykmazlyk.

**WAŞYRDATMAK,** *işl.* Waşyr-waşyr edip ses çykartmak, waşyrdyly seslendirmek. *Turşy hyýaryny waşyrdadandan soň, Kelhanyň bogazy biraz giňedi* (B. Kerbabaýew).

**WAŞYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Waşyrdamak ýagdaýy.

**WAŞYRDY,** *at.* Ter gök önüm we ş.m. zatlar iýlende emele gelýän sesiň ady.

**WAŞYR-WAŞYR,** *s.ş. aňl.söz.* Ter gök önüm we ş.m. zatlar iýlende çykýan ses.

**WATAN**, *at.* **l.** Adamyň doglup-dörän ülkesi, önüp-ösen, özüni onuň raýaty hasaplaýan ýurdy; ata watan, ene toprak, dogduk mekan.**2.** Bir zadyň emele gelen ýeri, mekany. *Bu ýerler waharmanyň watany.*

◊ **Watan tutmak** mesgen tutmak, mydamalyk oturymly bolmak, ýurt tutmak. *Tutsam ol ýerde watan, ol ýer ki anyň ilidir* (Magtymguly). **Watan ogly** Watanyna jany-teni bilen berlen, oňa hyzmat edýän ýigit, adam.

**WATANÇY,** *syp.* Öz watanyny söýýän, öz watanynyň bähbidi ugrunda göreşiji, öz watanyna, halkyna wepaly (adam). *Watançy ýaşlar.*

**WATANÇYLYK,** *syp.* Watançy bolmaklyk, öz watanyňa we halkyňa, watanyňa wepalylyk.

◊ **Watançylyk urşy** öz watanyň azatlygy we garaşsyzlygy üçin keseki ýurt basybalyjylaryna garşy alnyp barylýan adalatly uruş.

**WATANDAŞ** [watannaş], *at.* **1.** Biri bilen bir watanda, bir ýurtda doglup, önüp-ösen adamlar, ýurtdaş, ildeş. **2.** Bir watandan bolan adamlara ýüz tutulyp aýdylýan söz, resmi suratda ýüzlenme şekili. *Eziz watandaşlar, toýuňyz toýa ulaşsyn!*

**WATANDAŞLYK** [watannaşlyk], *at.* **1.** Watandaş bolmaklyk, bir watandan bolmaklyk, ýurtdaşlyk, ildeşlik. **2.** *syp.* Watandaşa has bolan, watandaşa degişli bolan. *Watandaşlyk borjy.*

**WATANLY,** *syp.* Watany bar bolan (adam hakynda).

**WATANPARAZ**, *syp., ser.* **Watançy.**

**WATANPARAZLYK,** *at, ser.* **Watançylyk**. *Döwlet nyşanlaryna söýgi-muhabbetiň arşa göterilmegi bolsa watanparazlygyň aňrybaş çägi* ("Türkmenistan").

**WATANPERWER** [watanperwör], *syp., ser.* **Watansöýüji.**

**WATANSÖÝÜJI** [watansöýüjü], *syp.,ser.* **Watançy.**

**WATANSÖÝÜJILIK** [watansöýüjülük], *at, ser.* **Watançylyk.**

**WATANSYZ,** *syp.* Watany ýok (adam hakynda).

**WAWWA** [wa:wwo], *at, gepl.d.* Esasan, çagalaryň dilinde gabat gelip, "agyry" diýen manyny aňladýar.

◊ **Wawwaňa duz basylan (sepilen) ýaly bolmak** oda-köze düşmek, ýanyp-bişip barmak. *Iki goragçynyň wawwasyna duz basylan ýaly boldy ("Edebiýat we sungat").*

**WAWWALY** [wa:wwoly], *syp.* Agyryly, ýaraly.

◊ **Wawwaly ýerinden tutmak** biriniň asgyn, gowşak tarapyny aýtmak, kemçiligini ýüzüne aýtmak; derdini gozgamak. *Siz onuň wawwaly ýerinden tutduňyz.* **Wawwaly ýaly 1)** seresaplyk bilen, emaý bilen, ýuwaşlyk bilen. *Japbaklar wawwaly ýaly ýörediler* (B. Kerbabaýew). **2**) ynjyk, näzik. *Ol edil wawwaly ýaly.*

**WAWWASYZ** [wa:wwosuz], *syp.* Wawwasy ýok, wawwasy bolmadyk.

**WAÝ,** *üml.* Bir zat garaşylyşy ýaly bolmanda, etmelisi ýaly edilmände aýdylýar [wa'a:] ýaly aýdylýan ümlük hem şoňa meňzeşräk manyda ulanylýar). *Waý, bul-a bolmady-ow.*

**WAÝ** [wa:ý], *üml.* Adamda gaty agyry, gorky duýgusyny, haýran galmagy, geň galmagy, gynanjy, gaýgy-gamy, zeýrenji, ökünji aňladýar. *Ol ýarasynyň agyrysyna çydaman, waý diýip gygyrdy. Waý, ýetişiň!* (B. Seýtäkow). – Waý, balam! – diýip, Aýnabat jynssyz gygyrdy. (Çary Aşyrow). *Waý, Kaka bilen Duşagyň arasynyň daşdygyny. Obada biri ölse, "Waý, kaka, waý, dogan" diýip gygyrýarlar* ("Türkmenistan").

◊ **Waý gününe!** biriniň agyr halyna, ýagdaýyna gynanylyp aýdylýan aňlatma; dat gününe. *Indi biziň waý günümize!* ("Görogly").

**WAÝ-EÝ** [wa:ý-e:ý], *üml.* **1**. Biriniň bolşuna göwnüýetmezçilik edilip, aýal maşgalalar tarapyndan aýdylýar. *Waý-eý, bolan bolşuna bir seret, özüm näme diýmän, ile göwni ýetenok*. **2**. *Waý-eý, endam-janym syrkyrap dur.*

**WAÝKYRMA,** *iş ady.* Waýkyrmak ýagdaýy.

**WAÝKYRMAK,** *işl.* "Waý", "waý-waý" diýip, gaty sesli aglamak, gygyrmak.

**WAÝKYRMAZLYK,** *iş ady.* Gaty ses bilen waýkyryp aglamazlyk

**WAÝKYRTMAK,** *işl.* Kimdir birini "waý-waý" diýdirip gygyrdyp aglatmak.

**WAÝKYRYŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden waýkyryp aglamak. *Oturanlar waýkyryşyp başladylar.*

**WAÝYRDY,** *at.* Ter gök önüm iýlende emele gelýän sesiň ady.

**WAÝYRT-WAÝYRT**, *s.ş. aňl.söz.* Ter gök önüm yzly-yzyna dişlenip agzyňa salnanda, çeýnelende döreýän ses.

**WAÝ-WAÝ**, *üml., ser.* **Waý.** *Seniň waý-waýyň ýatmady-la.*

**WAÝ-WAÝLAMA**, *iş ady.* Waý-waýlamak ýagdaýy.

**WAÝ-WAÝLAMAK**, *işl.* Agyry, gorky, gynanç we ş.m. sebäpli waý-waý edip, naýynjar ses etmek, seslenmek *Hassa agyrysyna çydap bilmän, waý-waýlap ýatyrdy.*

**WAÝ-WAÝLAMAZLYK**, *iş ady.* Waý-waýlap, naýynjar gygyrmazlyk.

**WAÝ-WAÝLAŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden waý-waý edişip naýynjar gygyryşmak.

**WAÝ-WAÝLATMAK**, *işl.* Waý-waý etdirip, naýynjar gygyrtmak.

**WAZ,** *s.ş.aňl.söz.* Mör-möjek çalt uçanda, maşyn gaty ýörände we ş.m. ýagdaýda döreýän ses.

◊ **Waz ýasamak** maşynly, motorly gyssanmaç, çalt, tiz gitmek, at salmak. *Biz oba waz ýasabermeli.*

**WAZLABERMEK** [wazyla:vermek], *işl.* Wazlap başlamak.

**WAZLAMA** [wazylama],*iş ady.* Wazlamak ýagdaýy.

**WAZLAMAK** [wazylamak], *işl.* **1**. Wazzyldyly ses çykmak, wazyrdamak. **2**. *göç m.* Gaty gitmek, çalt ýöremek, dazlap barmak. *Awtobus gara ýoldan wazlap barýardy.* **3**. Hazlap girmek, hazlap geçmek, hazlamak (ýel, sowuk we ş.m. hakynda). *Gapydan sowuk ýel wazlap girýär.*

**WAZLAMAZLYK** [wazylamazlyk], *iş ady.* Wazlap gitmezlik; hazlap girmezlik, hazlamazlyk.

**WAZLAŞMAK** [wazylaşmak], *işl.* Birnäçe maşyn wazlap gitmek. *Maşynlar wazlaşyp geçip dur.*

**WAZLATDYRMAK** [wazylatdyrmak], *işl.* **1**. Wazzyldyly ses çykartmak. **2**. Wazladyp sürdürmek (maşyn we ş.m. hakynda).

**WAZLATMAK** [wazylatmak], *işl.* **1**. Wazzyldyly ses çykarmak. **2**. Gaty, batly sürüp gitmek. *Ol Toýotasyny wazladyp geçip gitdi.*

**WAZYR,** *s, ş. aňl. söz.* Birden ýanýan zatlar ot alanda, ýanyp duran ýaga et we ş.m. atylanda, şonuň ýaly-da maşynlaryň çalt hereketinden we ş.m. çykýan ses.

**WAZYRDABERMEK** [wazyrda:vermek], *işl.* Wazyrdap başlamak.

**WAZYRDAMA,** *iş ady.* Wazyrdamak ýagdaýy.

**WAZYRDAMAK,** *işl.* Wazyrdyly ses etmek, wazyr-wazyr edip seslenmek, wazlamak. *Dazyrdap gelýän taýak onuň üstünden wazyrdap geç*di (B. Kerbabaýew).

**WAZYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wazyr-wazyr etmezlik.

**WAZYRDAŞMAK,** *işl.* **1**. Ýerli-ýerden wazyr-wazyr edişip sözleşmek. **2**. Wazyrdaşyp gitmek (maşyn we ş.m. hakynda).

**WAZYRDATMAK,** *işl.* Wazyrdyly seslendirip gaty sürmek (maşyn hakynda).

**WAZYRDY,** *at.* Birden ýanýan zatlar ot alanda, käbir mehanizmler birden herekete getirilende, şonuň ýaly-da maşynlar ýokary tizlikde hereket edende we ş.m. ýagdaýda emele gelýän sesiň ady.

**WAZYRTDA-WAZYRT**, *s.ş. aňl.söz.* **1**. Yzly-yzyna gapdalyňdan ýokary tizlik bilen geçip barýan maşynlardan çykýan sesler. **2**. *göç.m.* Eýläkde-beýläk, çalasyn hereket.

**WAZYRTDA-WUZURT**, *s.ş. aňl.söz, ser.* **Wazyrtda-wazyrt.** *Maşynlar wazyrtda-wuzurt geçýärdiler.*

**WAZYRT-WUZURT**, *s.ş. aňl.söz.* **1.** *ser.* **Wazyr-wuzur.** *Olaryň wazyrt-wuzurdy ýatmady.* **2.** *ser.* **Wazyrtda-wuzurt.**

**WAZYR-WUZUR,** *at.* Çalt we düşnüksiz gepleýiş, sözleýiş. *Ol wazyr-wuzur edip, bir zatlar aýtdy-da gidiberdi.*

**WAZZYK,** *syp.* Sözünde ugur-utga bolmadyk, hazzyk, lakgy (adam).

**WAZZYKLABERMEK** [wazzykla:vermek], *işl.* Wazzyklap başlamak.

**WAZZYKLAMA,** *iş ady.* Wazzyklamak hereketi, ýagdaýy.

**WAZZYKLAMAK,** *işl.* Wazzy-wuzzy edip geplemek, wazzyk-wuzzuk edip gürlemek, düşnüksiz sözlemek. *Sen näme wazzyklaýarsyň?*

**WAZZYKLAMAZLYK,** *iş ady.* Wazzy-wuzzy edip gürlemezlik.

**WAZZYKLAŞMAK,** *işl.* Biri bilen wazzy-wuzzy edişip gürleşmek. *Näme belli bir zat aýtman wazzyklaşyp otyrsyňyz!*

**WAZZYK-WUZZUK,** *at, ser.* **Wazzy-wuzzy.** *Dili agzyna sygmaýan ýaly, wazzyk-wuzzuk gepleýärdi.*

**WAZZYLDABERMEK** [wazzylla:vermek], *işl.* Wazzyldap başlamak.

**WAZZYLDAMA** [wazzyllama], *iş ady.* Wazzyldamak ýagdaýy.

**WAZZYLDAMAK** [wazzyllamak], *işl.* Wazzyldyly seslenmek, "waz" edip ses çykmak. *Sapa ilki gülleriň arasynda uly zenzele edip, wazzyldap uçup ýören eşek arysyna meňzeş bir möjejigi gördi* (N. Esenmyradow).

**WAZZYLDAMAZLYK** [wazzyllamazlyk], *iş ady.*

Wazzyldyly ses çykmazlyk ýa-da çykarmazlyk.

**WAZZYLDAŞMAK** [wazzyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden wazzyldyly ses çykmak.

**WAZZYLDATDYRMAK** [wazzyllatdyrmak], *işl.* Wazzyldyly ses çykartmak.

**WAZZYLDATMAK** [wazzyllatmak], *işl.* Wazzyldyly ses çykarmak.

**WAZZYLDY** [wazzylly], *at.* Mör-möjek uçan mahalynda, primus we ş.m. zatlar işledilende çykýan sesiň ady.

**WAZZYLDYLY** [wazzyllyly], *syp.* Wazzyldysy bar bolan.

**WAZZYLDYSYZ** [wazzyllysyz], *syp.* Wazzyldysy ýok, wazzyldysy bolmadyk.

**WAZZY-WUZZURAK** [wazzy-wuzzura:k], *hal.* Birneme wazzy-wuzzy. *Ol wazzy-wuzzurak gürleýändir.*

**WAZZY-WUZZY,** *at.* Diýjek zadyny açyk aýdyp bilmeýän adamyň ýa-da ýaş çaganyň düşnüksiz sözleýşi. *Wazzy-wuzzy gepläp, çöp döwüp, ýer dyrmalady* (N. Pomma).

**WE** [we:], Türkmen milli elipbiýiniň "W" harpynyň ady.

**WE,** Ugurdaşlygy, deňdeş sözleri, sözlemleri baglanyşdyrmak üçin hyzmat edýän baglaýjy. *Ol ýerde ýazlyk bugdaýdan başga düme künji, nohut we gawun-garpyz ýaly ekinler-de emele gelýärdi* (A. Gowşudow).

**WEBAL** [weba:l], *at, k.d.* Günä, ýazyk, *Webalyňa men galaryn, gel pajyň bergin, Bezirgen* ("Görogly"). *Eger ol kyrk günden bärde öläýse, webaly seniň boýnuňa* (A. Gowşudow).

◊ **Webala galmak** zyýana galmak. *Ençe webala galan hunhora aşyk bolmuşam* (Baýly şahyr).

**WEÇ,** *at.* Derek, ugur, hiç bir jähetden. *Aýnanyň soragy Mama hiç bir weçden täsir etmedi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Wejiň gaçmak** ugruň bolmazlyk, heziliň bolmazlyk.

**WEHIM,** *at.* Gorky duýgusy, ätiýaç etme, çekinme. *Müşgil sapar bolar ölüm sapary, Wehimi çoh bolar, köpdür hatary* (Magtymguly). *Halal işle, ahyretden wehmiň bar* (Magtymguly).

◊ **Wehim etmek** gorkmak, ätiýaç etmek, çekinmek. *"Bir şum tapylaram, agtygymyň hemme syryny äşgär eder, bu gudaçylygam bozular" diýip, öz ýüreginden wehim edýärdi* (A. Gowşudow).

**WEHIMLI,** *syp.* Gorky duýguly, ätiýaçly, çekinip durýan. *Giň ýerde garga deý bolsun wehimli* (Magtymguly).

**WEHIMLILIK,** *at.* Wehimli bolmaklyk, wehimi barlyk, wehimsiz dällik.

**WEHIMSIZ,** *syp.* Gorkusyz, wehim etmän.

**WEJERA** [wejera:], *syp.***1.** Biabraý, masgara. **2.** Aýyp, ýaramaz, bolgusyz, gödek mazmunly. *Men aýallaryň ýanynda wejera şorta sözleri aýtmaga çekinýärdim* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Görki-görnüşi eleşan, sallam-sajak, betnyşan. *Bilmedim, palçyga bulanypmy, nämemi, wejera görnüşi bar.*

**WEJERAÇYLYK** [wejera:çylyk], *at, ser.* **Wejeralyk.** *Ol hiç bir wejeraçylykdan gaýtmaz.*

**WEJERALYK** [wejera:lyk], *at.* Wejere halda bolmaklyk, biabraýçylyk, masgaraçylyk. – *Hiý, beýle-de bir wejeralyk bolarmy?! – diýip, köşetjek boldy* (H. Derýaýew).

**WEKIL** [weki:l], *at.* **1.** Belli bir tarapyň, ýurduň bähbidini göz öňünde tutýan, garaýşyny beýan edýän, ynanylan adam. **2.** Bir halkyň, ýurduň bähbidini gorap, işi, döredijiligi bilen özüni tanadan adam. *Kemine zähmetkeş halkyň wekilidir.* **3.** *göç.m.* Bir maksat bilen gurama, jemgyýet, edara we ş.m. tarapyndan iberilen adam. *Şol ýerde polisiýa bölüminiň wekili bolmaly* ("Türkmenistan").

**WEKILÇILIK** [weki:lçilik], *at, ser.* **Wekillik.**

◊ **Wekilçilik etmek** wekil bolup iş alyp barmak.

**WEKILHANA** [weki:lha:na], *at.* Bir halkyň, ýurduň bähbidini gorap saklamak işini alyp barýan edara. *Birleşen Milletler Guramasynyň Aşgabatdaky wekilhanasynyň guran bu ýygnagyna ýurdumyzyň ministrliklериniň hem-de edaralarynyň birnäçesiniň ýolbaşçylary gatnaşdy* ("Nesil").

**WEKILLIK** [weki:llik], *at.* **1.** Wekiliň wezipesini ýerine ýetirmeklik, wekil bolmaklyk. **2.** *ser.* Wekilhana.

**WELAÝAT** [wela:ýat], *at.* Düzümine birnäçe etrap girýän iri dolandyryş-çäk birligi. Türkmenistanda bäş sany welaýat, ýagny Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlary bar.

**WELI,** Garşylygy görkezýän baglaýjy. *Ýok, ezizim, ýadymdan çykanok weli, sen azajyk pikir edip gör* (T. Gurbanow).

◊ **Welisi bar** emmasy bar, anyk, açyk däl, gümürtik. *Onuň aýdýany hem dogrudyr, eje jan, emma hemmesiniň welisi bar.*

**WELI** [weli:], *at* **1.** Dini däp-dessurlary yhlas bilen berjaý edýän ýokary dini sowatly, keramatly adam. *Öwladyň itini bihal görme, olar welidirler* (A. Gowşudow). **2.** *göç.m.* Hemme zady öňünden bilýän, ähli zady öňünden görýän akyldar. *Özüni bilen weli* (Nakyl). – *Ol tüýs bir weli ahyryn – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Oglana dakylýan at.

◊ **Weli bolmasa, welije** ol bolmasa, başga biri, ol bolmasa beýlekisi. *Aýby ýok, weli bolmasa, welije ederis* (N. Pomma).

**WELILIK** [weli:lik], *at.* **l.** Hudaýa ýakyn adam bolmaklyk, weli bolmaklyk. *Agam jan, hakykatyň welilige hajaty ýok* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Hemme zady öňünden bilijilik, ähli zady öňünden görüjilik, akyldarlyk. *Welilik bilen aýdylan söz.*

◊ **Welilik satmak** hemme zady öňünden bilýän kişi bolan bolmak. *Ol, hamala o dünýäni görüp gelen ýaly, töweregindäki aksakallara welilik satyp, gürrüň berýärdi* (N. Pomma).

**WELIN** [weli:n], *bagl., ser.* **Weli.**

**WELISIREMEK** [weli:siremek], *işl.* Weli bolan bolmak, özüni weli ýaly öňden görüji edip görkezjek bolmak.

**WELOSIPED** [welsepi:t], *at.* Tigirleri aýagyň bilen pedala (basgyja) basylyp hereket etdirilýän ulag (*ser.* **Tigir**).

**WENA** [ve:na], *at, lukmanç.* Beden agzalaryndan we dokumalardan ýürege gan akdyrýan gan damary.

**WENEZZYNA** [wenezzyna:], *at.* Nikasyz doglan, nikasyz doglup kemala gelen, çöpdüýbi.

**WENGER** [venge:r], *at, ser.* **Wengerler.** *Wenger dili. Wenger sungaty.*

**WENGERLER** [venge:rler], *at.* Wengriýanyň esasy ilatyny düzýän halk, majarlar.

**WEPA** [wepa:], *at.* **1.** Birine ýa-da bir zada bolan gatnaşygyňda, borjuňy ýerine ýetirmekde durnuklylyk, sözüňden dänmezlik. *Päheý, wadada wepa gaty bolmalydyr* (H. Derýaýew). **2.** Oglana dakylýan at.

◊ **Wepasyny görmek** hözirini görmek, eşretini görmek. *Jepasyny çeken wepasyny görer* (Nakyl). *Bak, kim wepa görmüş biwepalardan* (Magtymguly).

**WEPADAR** [wepa:da:r], *syp., ser.* **Wepaly.** *Biz doganlyk dostluga ömürbaky wepadar* (J. Ilmyradow).

**WEPADARLYK** [wepa:da:rlyk], *at, ser.* **Wepalylyk.** *Öweziň Görogla we Çandybil halkyna bolan wepadarlygy görkezilýär* ("Görogly").

**WEPALY** [wepa:ly], *syp.* **1.** Wepasynda berk durýan, sözünde, wadasynda tapylýan, birine ýa-da bir zada tüýs ýürekden berlip, öz borjuny ýerine ýetirýän, ygtybarly, wepadar. **2.** Oglana dakylýan at.

**WEPALYLYK** [wepa:lylyk], *at.* Wepaly bolmaklyk, wepasy barlyk.

**WEPALYRAK** [wepa:lyra:k], *syp.* Belli derejede wepaly.

**WEPASYZ** [wepa:syz], *syp.* Wepasy ýok, wepasy bolmadyk, biwepa. *Eger-de Jygaly beg wepasyz bolup çyksa, her wagt hem muny iline ýetirmän, başyny almaga wagt tapylar* ("Görogly").

**WEPASYZLYK** [wepa:syzlyk], *at.* Wepasy ýokluk, wepaly dällik, biwepalyk.

**WEPAT** [wepa:t]: **wepat bolmak** aradan çykmak, ölmek.

**WERDIŞ,** *at.* Türgenleşik endigi, endik, köp işlemek netijesinde gazanylan başarnyk. *Tur-otura ýarandan soň nätdiler? Ýumuş buýrup işe werdiş etdiler* (B. Kerbabaýew).

**WESÝET,** *at.* **1.** Nesihat, tabşyryk. **2.** Adamyň özüniň diri wagtynda mal-mülküni maşgala agzalarynyň näme etmelidigini dilden ýa-da ýazmaça anyklap galdyran tabşyrygy.

**WESÝETNAMA** [wesýetna:ma], *at.* Ýazmaça wesýet. *Ol atasyndan galan wesýetnamany elinde saklap durdy.*

**WESME,** *at.* Ösümlikden alnan maddalar garylyp ýasalýan we gaşa çalmak üçin peýdalanylýan gara reňk. *Saýat han hem gülgün lybaslar geýip, gaşlaryna wesme goýup, bag seýlige çykdy* ("Saýatly – Hemra"). *Ýüze gülap sürtüp, wesme gaşynda, Gyrmyz geýip dildarlyga ýeten gyz* (Mollanepes).

**WESSALAM** [wessala:m], Gürrün gutardy; tamam, soňy. *Wessalam, söz tamam!* (K. Gurbannepesow).

**WESSE**, *at.* Jaýyň pürsleriniň arasyna kese goýulýan gysga agaçlar, perwaz. *Bu jaýyň wesseleri köp eken.*

**WES-WEÝRAN** [wes-weýra:n], *hal.* Bütinleý zaýalanan, doly harap bolan.

**WES-WEÝRANÇYLYK** [wes-weýra:nçylyk], *at, ser.* **Wes-weýranlyk.**

**WES-WEÝRANLYK** [wes-weýra:nlyk], *at.* Bütinleý weýran bolmaklyk, doly harap bolmaklyk.

**WEŞEŇ-WEŞEŇ**, *syp.* Üýşüp ýatan, näçe diýseň bar, gereginden artyk, bol, köp (pul hakynda). *Pul diýeniň weşeň-weşeň* (N. Pomma).

**WETERAN** [vetera:n], **1.** Urşa gatnaşan söweşiji. *Beýik Watançylyk urşunyň weteranlarynyň, olaryň ýanýoldaşlarynyň we tylda zähmet çeken weteranlaryň pensiýalarynyň aýda iň ýokary möçberini 638 manat möçberinde bellemeli* ("Türkmenistan"). **2.** Köp ýyllap zähmet çeken hormatly işgär. *Zahmet weterany.*

**WETERINAR** [veterina:r], *at.* Weterinariýadan ýokary hünärli hünärmen (*ser.* **Mal doktory**).

**WETERINARIÝA** [veterinari:ýa], *at.* Haýwanlaryň kesellerini, şol keselleriň öňüni almagyň we olary bejermegiň usullaryny öwrenýän ylymlar ulgamy.

**WEÝ**, Adamyň geň galmaklyk, haýran galmaklyk ýaly içki duýgularyny aňladýan ümlük. *"Weý" diýip sypybilmersiň, sen meniň soragyma jogap ber* (A. Durdyýew). *Weý, möjek dost, seniň habaryň ýokmy?* ("Türkmen halk ertekileri").

**WEÝ** [we:ý], *üml.* "Utan" diýen manyda geňlemegi aňladýan söz (köplenç, çagalaryň dilinde).

**WEÝLEMEK** [we:ýlemek], *işl.* Geňleýändigiňi aňlatmak üçin gollaryňy öňe uzadybrak iki eliňi içine ýumýan ýaly görnüşde çalarak galgatmak (köplenç, çagalaryň dilinde).

**WEÝRAN** [weýra:n], *hal.* Berbat bolan, harap bolan, ýumrulan, ýykylan, zaýalanan, çaşan. *Komandir dykgatly göz gezdirende, weýran edilen ýerleri görüpdi* (A. Kekilow).

**WEÝRANÇYLYK** [weýra:nçylyk], *at.* Ýaşalýan ýerlere, hojalyga, ykdysadyýete ýetirilen uly zyýan, zaýaçylyk, berbatlyk. *Eger şeýle itiň bolmasa, onda dogumly, hilegär möjek her gün süriňe çozuş eder, weýrançylyk salar* (B. Gurbanow).

**WEÝRANHANA** [weýra:nha:na], *at.* Weýran bolup galan köne şäher, ýumrulyp giden oba we ş.m. harabaçylyk. *Atasy Hemraga weýranhanada, mazarystanda we metjitde ýatmagyn diýip, üç sany wesýet edipdi* ("Hüýrlukga – Hemra").

**WEÝRANLYK** [weýra:nlyk], *at, ser.* **Weýrançylyk.** *Agzalalyk weýranlyga, gedaýlyga sebäp bolýar.*

**WEÝ-WEÝ**, *üml.* Bir zada öte geň galanyňda, haýran galanyňda aýdylýar. *Weý-weý, beýle zat bolmaz ahyry!* (B. Pürliýew).

**WEÝ-WEÝ** [we:ý-we:ý-], *üml.* Weýläp duran wagty çagalaryň yzly-yzyna aýdýan sözi.

**WEÝ-WEÝ-EÝ**, *üml.* Biliňi ýazmak üçin dyzyňy epeňde, oturjak bolup durkaň aýdylýar (köplenç, orta, ýokary ýaşlylar hakynda).

**WEZIPE** [wezi:pe], *at.* **1.** Bir edarada, kärhanada bir işi, borjy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly gulluk. *Bu wezipe Annagulynyň depesini göge ýetirdi* (A. Durdyýew). **2.** Ýerine ýetirilmeli, berjaý edilmeli iş, borç. *Wezipäňi berjaý etmek.* **3.** Bir işi ýerine ýetirmegi, berjaý etmegi talap edýän mesele, hyzmat, tabşyryk, ýumuş.

**WEZIPELI** [wezi:peli], *syp.* Bir wezipä, işe, gulluga eýe bolan, wezipesi bar (adam). *Haýsy-da bolsa onuň ýokary wezipeli adamlardan biri bolup, jogapkärli orunda işleýäni bellidi* (A. Gowşudow).

**WEZIPELILIK** [wezi:pelilik], *at.* Wezipesi barlyk, wezipeli bolmaklyk.

**WEZIPEPARAZ** [wezi:peparaz], *syp.* Wezipede ulalmagy söýýän, işde ösmäge dalaş edýän, uly wezipelerde bolmagy gowy görýän.

**WEZIPEPARAZLYK** [wezi:peparazlyk], *at.* Wezipeparazyň gylyk-häsiýeti.

**WEZIPESIZ** [wezi:pesiz], *syp.* Wezipesi ýok, wezipesi bolmadyk.

**WEZIR** [wezi:r], *at.* **1.** *taryh.* Patyşanyň we hanlaryň köşgündäki ýokary wezipeli adam; şanyň ýakyn kömekçisi, maslahatçysy. *Patyşanyň weziriniň hem bir ogly bar erdi* ("Gül – Senuber"). *Wezir nadan bolsa, hiç erki bolmaz* (Magtymguly). **2.** Käbir Gündogar ýurtlarynda ministr. **3.** Oglana dakylýan at.

**WEZIR-WEKIL** [wezi:r-weki:l], *at.* Wezir-wekilleriň jemi. *Patyşanyň wezir-wekilleri bilen her çen töwella etseler hem bolmady* ("Zöhre – Tahyr").

**WEZIRLIK** [wezi:rlik], *at.* Weziriň wezipesi, weziriň gulluk derejesi. *Tahyryň kakasy Bahyr Babahan patyşa wezirlik edipdir* ("Zöhre – Tahyr").

**WÄ** [wä:], *üml.* Bir zatdan gorkanyňda aýdylýar. *Ýaýlymjyk "wä" diýip gygyranyny-da duýman galdy* (B. Kerbabaýew).

**WÄGIRIBERMEK** [wä:ğirivermek], *işl.* Duýdansyz ýagdaýda wägirip başlamak.

**WÄGIRIŞMEK** [wä:ğirişmek], *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde wägirmek. *Çagalar garaňkyda itden gorkup wägirişdiler.*

**WÄGIRME** [wä:ğirme], *iş ady.* Wägirmek ýagdaýy.

**WÄGIRMEK** [wä:ğirmek], *işl.* Gorkudan ýaňa aýylganç ses edip gygyrmak. *Ýüregi ýarylan ýaly wägirip, äpişgeden kürsäp içeri girdi* (B. Gulow).

**WÄGIRMEZLIK** [wä:ğirmezlik], *iş ady.* Bir zatdan gorkusyna gygyrmazlyk.

**WÄGIRTMEK** [wä:ğirtmek], *işl.* Gorkuzyp, aýylganç gygyrtmak.

**WÄH,** *üml.* Gorkuzmak üçin aýdylýar. *Mysalaň gursun, "wäh" diýip, ýüregimi ýardyň!*

**WÄ-IŞ**, *üml.* Ýürek bulandyryjy hapa zady göreniňde aýdylýar.

**WÄK** [wä:k], *üml.* Birden bedeniň bir ýeri agyrdylanda, awunylanda, bir zada degende we ş.m. ýagdaýlarda aýdylýar.

**WÄŞI** [wä:şi / wä:şi:], *syp.* Wäşilik etmegi söýýän adam, degişgen adam, bälçik adam. *Ol örän gürrüňçi hem wäşi adam eken.*

**WÄŞIÇILIK** [wä:şiçilik / wä:şi:çilik], *ser.* **Wäşilik.**

**WÄŞILIK** [wä:şilik / wä:şi:lik ], *at.* Wäşi häsiýetli bolmaklyk, degişgenlik, bälçiklik. *Ol wäşilige salyp, meniň sözümi kesdi.*

**WÄŞISIREME** [wä:şisireme / wä:şi:sireme], *iş ady.* Wäşisiremek ýagdaýy.

**WÄŞISIREMEK** [wä:şisiremek / wä:şi:siremek], *işl.* Özüni wäşi adam hökmünde görkezmek üçin wäşilik eden bolmak, wäşi bolan bolmak, wäşilige salmak.

**WÄŞISIREMEZLIK** [wä:şisiremezlik], *iş ady.* Wäşisiräp durmazlyk.

**WÄŞISIREŞMEK** [wä:şisireşmek], *işl.* Bilelikde wäşisiremek. *Adamlar wäşisireşýärdiler.*

**WIRUS** [vi:ru:s], *at, lukmanç.* Ösümliklerde, haýwanlarda we adamda ýokanç keselleri döredijі.

◊ **Kompýuter wirusy** *ser.* **Kompýuter: kompýuter wirusy**

**WITAMIN** [vitami:n], *at, lukmanç.* Adam we haýwan organizminiň kadaly işlemegini üpjün edýän organiki madda.

**WIÝ**, *üml.* **1**. Bir zat ýatdan çykan ýagdaýynda aýdylýar. *Wiý, äýnegimi almandyryn.* **2.** Geň galynanda, haýran galynanda aýdylýar. *Wiý, kakasy, ownuk-uşak zat üçin gatyrganmaweri* (B. Kerbabaýew). *Wiý, ynha oglumyzam geläýdi!*

**WOKZAL [**wağza:l**]**, *at.* Aragatnaşyk ýollarynda uly stansiýa, duralga. *Demir ýol wokzaly.*

**WOLEÝBOL** [waleýbo:l], *at, sport.* Düzgün boýunça topy el bilen ýa-da bilden ýokarda bolan beden agzalarynyň kömegi bilen tordan geçirip, garşydaşyň meýdançasyna düşürmek ýa-da gondurmak maksady bilen oýnalýan sport oýny.

**WOLEÝBOLÇY** [waleýbo:lçy], *at, sport.* Woleýbol oýnuny oýnaýan oýunçy.

**WOLFRAM** [volfyra:m], *at.* Açyk-çal reňkli eremesi kyn agyr metal, himiki element.

**WOW-WOW**, *üml.* It üýrende çykýan ses.

◊ **Wow-wow etmek** üýrmek. *Garaja güjük wow-wow etdi, Sesi onuň gala ýetdi* (Matal).

**WUJUT** [wuju:t], *at, kön.s.* **1.** Göwre, beden. *Wujudyňy bu köňlüm jan diýmişdir* (Şah Ysmaýyl).

◊ **Wujuda gelmek** döremek, emele gelmek.

**WULKAN** [wulka:n], *at, ser.* **Ýanardag**.

**WÜŞI** [wüşü], *syp., gepl.d.* Gözi şully, gözüniň kirpigi düşüp, çürşüp duran.

**WYJYR-WYJYR: wyjyr-wyjyretmek** *ser.* **Wyjyrdamak**.

**WYJYRDABERMEK** [wyjyrda:vermek], *işl.* Wyjyrdap başlamak.

**WYJYRDAMA,** *iş ady.* Wyjyrdamak ýagdaýy.

**WYJYRDAMAK,** *işl.* Çalt-çaltdan düşnüksiz geplemek, wyjyr-wyjyr edip gürlemek (çaga hakynda). *Ol enaýyja wyjyrdady.*

**WYJYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wyjyr-wyjyr edip gürlemezlik.

**WYJYRDAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde wyjyrdamak. *Daşarda çagalaryň wyjyrdaşýan sesleri eşidilýärdi.*

**WYJYRDY,** *at.* Çalt-çaltdan düşnüksiz geplenende ýüze çykýan sözleýiş.

**WYŽDAN** [wyžda:n], *at.* Daş-töweregiňdäki adamlaryň, jemgyýetiň öňünde özüňi alyp barşyň babatynda ahlak jogapkärçiligi duýgusy.

◊ **Wyždanyňy satmak** wyždanyň tersine nädogry hereket etmek, adamkärçilik sypatyňy ýitirip, nädogry iş görmek, ynsabyňy ýitirmek.

**WYŽDANLY** [wyžda:nly], *syp.* Wyždany bar bolan.

**WYŽDANLYLYK** [wyžda:nlylyk], *at.* Wyždany barlyk, wyždanly bolmaklyk .

**WYŽDANLYRAK** [wyžda:nlyra:k], *syp.* Belli derejede wyždanly.

**WYŽDANSYZ** [wyžda:nsyz], *syp.* Wyždany ýok, wyždany bolmadyk.

**WYŽDANSYZLYK** [wyžda:nsyzlyk], *at.* Wyždany ýokluk, wyždansyz bolmaklyk.

**WYSAL** [wysa:l], *at.* Duşma, duşuşma, gowuşma (antonimi: *hijran* hem-de *pyrak*). *Ajy aýralyk ýamandyr, wysaly dilär göwnüm* ("Görogly"). *Wysala doýmak olmaz, hijrana dözmek olmaz* (Magtymguly).

◊ **Wysal bolmak** (olmak) duşmak, duşuşmak. *Ugradym Ylýasa, Hyzr oldy wysal* (Magtymguly).

**WYZLAMAK** [wyzylamak], *işl., ser.* **Wyzzyldamak.**

**WYZLAŞMAK** [wyzylaşmak], *işl., ser.* **Wyzzyldaşmak**

**WYŞY-WYŞY,** *at.* Pyşyrdalyp edilýän gürrüň; gulaga eşidilýän hyşy-wyşy. *Wyşy-wyşyňyzy goýsaňyzlaň.*

**WYZYRDABERMEK** [wyzyrda:vermek], *işl.* Wyzyrdap başlamak,

**WYZYRDAMA,** *iş ady.* Wyzyrdamak ýagdaýy.

**WYZYRDAMAK,** *işl.* Wyzyrdyly ses çykmak, wyzyr-wyzyr edip seslenmek (köplenç, siňek, ary we ş.m. uçan ýagdaýynda).

**WYZYRDAMAZLYK,** *iş ady.* Wyzyrdap uçmazlyk.

**WYZYRDAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden wyzyr-wyzyr edip uçmak.

**WYZYRDY,** *at, ser.* **Wyzzyldy.**

**WYZYR-WYZYR: wyzyr-wyzyr** etmek *ser.* **Wyzyrdamak**.

**WYZ-WYZ: wyz-wyz etmek** *ser.* **Wyzzyldamak**. *Bir siňek wyz-wyz edip gelipdir-de, Soltansöýüniň ýüzüne gonupdyr* ("Myraly").

**WYZZYLDABERMEK** [wyzzylla:vermek], *işl.* Wyz-wyz edip başlamak.

**WYZZYLDAMA** [wyzzyllama], *iş ady.* Wyzzyldamak ýagdaýy.

**WYZZYLDAMAK** [wyzzyllamak], *işl.* Wyz-wyz etmek, wyz-wyz edip seslenmek. *Siňek wyzzyllaýar.*

**WYZZYLDAMAZLYK** [wyzzyllamazlyk], *iş ady.* Wyz-wyz etmezlik.

**WYZZYLDAŞMAK** [wyzzyllaşmak], *işl.* Köpçülikleýin wyz-wyz etmek. *Bal arylar gül üstünde wyzzyldaşýardylar.*

**WYZZYLDY** [wyzzylly], *at.* **1.** Siňegiň we käbir mör-möjekleriň uçýan wagtynda ganatyny here-ketlendirende çykýan sesiň ady. **2.** *göç.m.* Bolgusyz iňirdi. *Wyzzyldyňyzy bes ediň!*

# Y

**Y** [y:], Türkmen elipbiýiniň ýigrimi sekizinji harpy.

**YBADAT** [yva:dat], *at.* Hudaýa gulluk etme, doga, namaz okama. *Dilaram hudaga şükür kylyp, ybadatga meşgul boldy* ("Melike – Dilaram").

◊ **Ybadat eýlemek** hudaýa gulluk etmek, namaz okamak.

**YBADATHANA** [yva:datha:na], *at.* Ybadat edilýän, hudaýa tagzym edilýän, doga okalýan ýörite jaý. *Asly hany hammama äkidip, zynat berip, ybadathanaga alyp bardylar* ("Asly – Kerem").

**YBALY** [y:va:ly], *syp., ser.* **Ibaly**. *Türkmen bolsa, kesekä boýun egenden, boýnunyň oňrulanyny ybaly görýän halk!* (B. Kerbabaýew). *Men it sarkydyny içip sagalanymdan, ölenimi ybaly görerin* (B. Kerbabaýew).

**YBARAT** [yva:rat], Bir ýa-da birnäçe zatdan durýan, bir topar zady öz içine alýan.

**YBRAT** [yvrat], *at.* **1.** Görelde, öwüt-nesihat. *Siz şondan ybrat alyň, dowla düşmäň, näme karara gelseňiz, maslahat bilen geliň, müwessa goýuň!* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Geň galma, haýran galma. *Her bir zähmetiň netijesine ybrat-görelde bilen bak* ("Edebiýat we sungat").

**YGAL** [yğal], *at.* Gar, ýagyş we ş.m. görnüşinde asmandan ýagýan ýagyn. *Şu ýylyň ýazy amatly geldi, ygalam ýeterlik ýagdy* ("Türkmenistan").

**YGALLY** [yğally], *syp.* Köp ýagynly, ýagmyrly.

**YGALLYK** [yğallyk], *syp.* Köp ýagynly, ýagmyrly, ýagyn köp ýagýan, ýere köp ygal düşýän, ygally. *Ygallyk ýyl.*

**YGALSYZ** [yğalsyz], *syp.* Gar-ýagmyr ýagmaýan, ýagynsyz, gurak. *Ygalsyz ýylda suw gelmeýäni üçin, jar taňkyrap galardy* ("Edebiýat we sungat").

**YGLAN** [yğla:n]**: yglan etmek** bir habary köpçülige äşgär etmek, ýaýratmak, hemmeler biler ýaly etmek.

**YGRAR** [yğra:r], *at.* Bir zat barada berlen söz, wada, lebiz, messep, äht.

**YGRARLY** [yğra:rly], *syp.* Ygrary bolan, sözünde durýan, messepli, lebizli. *Bu gün halkymyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenen mizemez hukuklaryna daýanyp, Magtymguly Pyragynyň agzybir, parahat, oňşukly ýaşamak baradaky ündewlerine ygrarlydygyny subut etdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**YGRARLYLYK** [yğra:rlylyk], *at.*Ygrary barlyk, lebizlilik. *Ygrarlylyk türkmene mahsus häsiýetdir.*

**YGRARSYZ** [yğra:rsyz], *syp.* Ygrary ýok, ygrary bolmadyk, messepsiz. *Ygrarsyz adam.*

**YGRARSYZLYK** [yğra:rsyzlyk], *at*. Ygrary ýokluk, messepsizlik.

**YGŞYLDAMA** [yğşyllama], *iş ady*. Ygşyldamak ýagdaýy.

**YGŞYLDAMAK** [yğşyllamak], *işl*. Şemala ýuwaşja seslenip, kadaly yrgyldamak (köplenç, maýsa, bugdaý we ş.m. hakynda). *Ygşyldap oturan maýsalar.*

**YGŞYLDAMAKLYK** [yğşyllamaklyk], *iş ady.* Ygşyldamak ýagdaýy.

**YGŞYLDAŞMAK** [yğşyllaşmak], *işl*. Köp zat ygşyldap seslenmek. *Ýapraklaryň parça-parça, Ygşyldaşar, ak jöwenim!* (M. Garryýew).

**YGŞYLDATMAK** [yğşyllatmak], *işl*. Ygşyldyly ses döretmek. *Ýuwaş öwüsýän ýumşajyk ýel ekinleri ygşyldadýardy* (R. Seýidow).

**YGŞYLDAÝYŞ** [yğşyllaýyş], *iş ady*. Ygşyldamak ýagdaýy.

**YGŞYLDY** [yğşylly], *at*. Ýeliň we ş.m. täsiri sebäpli agaçdyr ösümlik ýapraklarynyň biri-birine degmegi netijesinde döreýän sesiň ady. *Bu sapar gelmedi ýaňky çygşyldy, Diýdim çöp-çalamlar edýär ygşyldy* (N. Pomma).

**YGTYBAR** [yğtyva:r], *at, ser*. **Ynam.** *Ärden gitse ygtybarlar, Sowar ondan dosty-ýarlar* (Magtymguly). *Diýgen sözlerime hiç kim ynanmaz, Il içinde ygtybarym ýok meniň* (Kätibi).

**YGTYBARLY** [yğtyva:rly], *syp*. Ynamly, ynamdar, ygtybary bar bolan.

**YGTYBARLYLYK** [yğtyva:rlylyk], *at, ser.* Ygtybary barlyk, ygtybarsyz dällik.

**YGTYBARSYZ** [yğtyva:rsyz], *syp*. Ygtybary ýok, ygtybary bolmadyk. *Hak, pygamber, halk bizardyr, Düýbi ygtybarsyz ärden* (Magtymguly). *Ygtybarsyz pelek, biwepa dünýä, Saňa gelen Gylyç jany neýlediň?* (Talyby).

**YGTYBARSYZLYK** [yğtyva:rsyzlyk], *at, ser.* Ygtybary ýokluk, ygtybarly dällik.

**YGTYKAT** [yğtyka:t], *at, k.d.* Bir düşünjä bolan ynanç, ynam. *Didaryň görmesem, tutarmen ýasyň, Ygtykadym bol, başyňa döneýin!* (Kätibi).

**YGTYMAT** [yğtyma:t], *at, k.d.* Ynam, ynanç, daýanç. *Zerre ygtymatym galmady janda* ("Şasenem – Garyp").

**YGTYÝAR** [yğtyýa:r], *at*. **1**. Bir zada bolan erk. *Ol meseläni çözmäge meniň ygtyýarym ýok.* **2**. Rugsat, razylyk. *Ygtyýar berseňiz, jogapdan öňürti bir soragym bar!* ("Myraly").

**YGTYÝARLY** [yğtyýa:rly], *syp*. **1**. Bir zada hak-hukugy, ygtyýary bolan, erki bolan, hakly. *Men erkli döwrüň ygtyýarly ýigidi bolup, näme üçin öz pikirimi, öz islegimi oňa mälim edip bilemok?* (B. Kerbabaýew). **2**. Rugsat edilen, rugsatly. *Ygtyýarly bolsaňyz, baga girip bilersiňiz.*

**YGTYÝARLYLYK** [yğtyýa:rlylyk], *at*. Ygtyýary, erki barlyk. *Ol ruhy älemine ygtyýarlylyk etjek bolup synanyşdy, emma başarmady* (G. Kulyýew).

**YGTYÝARSYZ** [yğtyýa:rsyz], *syp*. **1**. Ygtyýary, erki ýok, ygtyýar berilmedik, erksiz. *Ygtyýarsyzlyk onuň elini baglaýardy.* **2**. Öz erkine, ygtyýaryna bagly bolmadyk, biygtyýar. *Myradyň gara gözlerinden ygtyýarsyz ýaş akdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Rugsatsyz, bidin, idinsiz, izinsiz. *Ol okuwdan ygtyýarsyz galypdyr.*

**YGTYÝARSYZLYK** [yğtyýa:rsyzlyk], *at*, Ygtyýary, erki, rugsady ýokluk, ygtyýarly dällik, ygtyýarly edilmedik.

**YGYM-SAGYM** [y:ğym-sa:ğym], *syp., hal*. **1**. Her ýerde biri. *Ygym-sagym gara öýler, Kimi dagyň düýbünde* (A. Alamyşow). **2**. Käwagt biri. *Ýol bilen ygym-sagym barýanlar-a bar*.

**YGYŞ** [y:ğyş], *at*. Ýeliň, şemalyň urmaýan ýeri, yk, ygyşga.

**YGYŞAK** [y:ğyşak], *at*. Yk tarap, ýel degmeýän tarap, ygyşga. *Olar ullakan jaýyň ygyşagynda otyrdylar.*

**YGYŞGA** [y:ğyşğa], *at, gepl.d., ser.* **Ygyşak.**

**YGYŞLAMA** [y:ğyşlama], *iş ady.* Ygyşlamak ýagdaýy.

**YGYŞLAMAK** [y:ğyşlamak], *işl., gepl.d., ser.* **Yklamak.**

**YGYŞLAMAKLYK** [y:ğyşlamaklyk], *iş ady.* Ygyşlamak ýagdaýy.

**YGYŞMAK** [y:ğyşmak], *işl.* **1.** Ýeliň, şemalyň ugruna galgaşmak, gaýyp gitmek (birnäçe ýeňil zat hakynda). *Gulpaklary iki gulagynyň üstüni ýapyp, ýele ygyşyp durýardy* (B. Seýtäkow). **2.** *göç.m.* Işsiz, bikär aýlanyşyp ýörmek, enteşip ýörmek.

**YHLAS** [yhla:s], *at.* Birine ýa-da bir işe bolan janypkeşlik, höwes, ak ýüreklilik bilen garaýyş.

**YHLASLY** [yhla:sly], *syp.* Birine ýa-da bir işe tüýs ýürekden ýapyşýan, işini janypkeşlik bilen ýerine ýetirýän. *Yhlasly işlemek. Okuwyňa yhlasly ýapyşmak. Yhlasly adam.*

**YHLASLYLYK** [yhla:slylyk], *at.* Yhlasy barlyk, yhlasly bolmaklyk. *Işde yhlaslylyk öňe ýöredýär* (A. Salyh).

**YHLASSYZ** [yhla:ssyz], *syp.* Yhlasy ýok, yhlasy bolmadyk. *Işe yhlassyz ýapyşmak.*

**YHLASSYZLYK** [yhla:ssyzlyk], *at.* Yhlasy ýokluk, yhlasy bolmazlyk.

**YHHYMMYL,** *at, ser.* **Hymmyl.** *Ýaşkak yhhymmyl kakardyk.*

**YHSAN** [yhsa:n], *at, k.d.* Ýagşylyk, haýyr iş, haýyr-yhsan, haýyr-sahawat.

◊ **Yhsan etmek (eýlemek)** ýagşylyk etmek. *Eýleýip yhsan, sogap algyl ujyz* (Azady).

**YK** [y:k] **I,** *at.* Jaýyň, haýatyň we ş.m. ýel, şemal degmeýän tarapy. *Dükanyň yk tarapynda bolsa gumuň üstünde suwa batyrylan küşt esgisi ýazylgydy* (A. Gowşudow).

◊ **Ygyndan turmak** düşünişmek.

**YK** [y:k] **II,** *at.* Süriniň başyny çekýän jaňly teke maly, serke.

**YKBAL** [ykba:l], *at.* **1.** Kysmat, ýazgyt, täleý, takdyr. **2.** Durmuş, ýaşaýyş şertleri. *Frontuň ykbaly halk kömegine baglydy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ykbalyna sogan dogramak** biriniň durmuşyna, bagtyna erbet zyýan ýetirmek. *Şol ses şol*

*sekuntda onuň ykbalyna sogan doglady* (B. Kerbabaýew).

**YKBALDAŞ** [ykba:llaş], *at.* Ykbaly, ýazgydy birmeňzeş, kysmatdaş. *Ykbaldaş bolmak.*

**YKBALDAŞLYK** [ykba:llaşlyk], *at.* Ykbaldaş bolmaklyk, ykballary meňzeş bolmaklyk.

**YKBALLY** [ykba:lly], *syp.* Ykbala eýe bolan, kysmatly.

**YKDYRMAK** [y:kdyrmak], *işl.* **1.** Ýeliň ugruna gaýdyryp goýbermek. **2.** Ýeliň ugruna galgatmak (saç we ş.m. hakynda). *Ýüpek gulpaklaryny ykdyryp ýele, Çagajyklar oýnaýarlar enaýy* (B. Seýtäkow).

**YKDYSADY** [ykdysa:dy], *syp.* Ykdysadyýete degişli.

**YKDYSADYÝET** [ykdysa:dyýet], *at.* **1.** Jemgyýetçilik-ykdysady önümçilik gatnaşyklarynyň jemi. **2.** Halk hojalygy, onuň ýagdaýy (ýurt, etrap we ş.m. boýunça). *Aragatnaşyk serişdeleriniň ykdysadyýeti.* **3.** Önümçilik, hojalyk işleriniň bir pudagyny öwrenýän ylym, ders. *Ykdysadyýet okuwy.*

**YKDYSATÇY** [ykdysa:tçy], *at.* Ykdysadyýet boýunça hünärmen.

**YKGYN** [y:kgyn], *at.* Ýeliň ygyna ýygnanan ownuk saman.

**YKJAM,** *hal.* **1.** Örän ýerbe-ýer, jaýlaşykly; jebis, ynjalykly. *Pökgen tirsegini ýassyga ykjam ornaşdyrdy-da, sag eli bilen murtlaryny sypalaşdyrmaga başlady* (A. Gowşudow). **2.** Berk, pugta, mazaly. *Nebitçiler öz işlerini şeýle berk tutanlary, şeýle ykjam guranlary üçin, hiç bir harasat olara päsgel berip bilmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**YKJAMA** [y:kjama], *iş ady.* Ykjamak ýagdaýy.

**YKJAMAK** [y:kjamak], *işl.* **1.** Ýeliň ugruna çalaja galgamak, ýelkildemek, pasyrdamak. *Onuň başyndaky ýaglygy şemala ykjaýardy.* **2.** Bikär ykmak, biderek gezmek, söw-söw syryp ýörmek. *Eýläk-beýläk ykjamaňy azalt* (A. Badaýew).

**YKJAMLAMA,** *iş ady.* Ykjamlamak ýagdaýy.

**YKJAMLAMAK,** *işl.* Ykjam etmek, ýerbe-ýer etmek, tijemek. *Men bagt atyna jylaw saldym ykjamlap, indem ol aty nähili islesem, şoň ýalam çapýan!* ("Edebiýat we sungat").

**YKJAMLAMAKLYK,** *iş ady.* Ykjamlamak ýagdaýy.

**YKJAMLANMAK,** *işl.* Özüňi ykjam ýagdaýda tutmak. *Ähli güýjümi jemläp ykjamlandym* (R. Gelenow).

**YKJAMLAŞMAK,** *işl.* Ykjam bolup başlamak, tijenip başlamak. *Hojamuhammet arslan bu sözden soň ykjamlaşdy* (B. Seýtäkow).

**YKJAMLAÝYŞ,** *iş ady.* Ykjamlamak ýagdaýy.

**YKJAMLYK,** *at.* Ykjam ýagdaýda bolmaklyk.

**YKJAŞMAK** [y:kjaşmak], *işl.* Ýeliň, şemalyň ugruna çalaja galgaşmak. *Gowaçanyň depesinde bolsa ýaşyl güller ykjaşýar* (B.Kerbabaýew). *Ozal ýaşyl donly baýryň, depäniň, Ykjaşar şemala sary otlary* (A. Kekilow).

**YKJATMAK** [y:kjatmak], *işl.* Ýele, şemala çalaja galgatmak. *Ýaz semaly ykjatdy Üstündäki mawudyn* (K.Gurbannepesow).

**YKJAÝYŞ** [y:kjaýyş], *iş ady.* Ykjamak ýagdaýy.

**YKLAMA** [y:klama], *iş ady.* Yklamak ýagdaýy.

**YKLAMAK** [y:klamak], *işl.* **1.** Bir zadyň ygynda durmak, yk ýerde bolmak. *Garakelle haýdan-haý süriniň o başyna ylgady-da, yklap gelýän goýunlary sürüşmäge başlady* (B. Annageldiýew). **2.** Birini pena edinmek, hossar tutunmak, hemaýat isläp, biriniň ýanyna gelmek. *Ol daýylaryny yklap, goňşy obadan göçüp geldi.*

**YKLAMAKLYK** [y:klamaklyk], *iş ady.* Yklamak ýagdaýy.

**YKLAŞMAK** [y:klaşmak], *işl.* Yk, ýel düşmeýän ýerde üýşüşip durmak. *Oglanlar jaýlaryň güneşinde yklaşyp durdular.*

**YKLATDYRMAK** [y:klatdyrmak], *işl.* Ýel düşmeýän ýerde, ykda saklatmak.

**YKLATMAK** [y:klatmak], *işl.* Ýel düşmeýän ýerde, ykda saklamak.

**YKLAÝYŞ** [y:klaýyş], *iş ady.* Yklamak ýagdaýy.

**YKLYM** [ykly:m], *at.* **1.** Gadym zamanlarda Gündogar ýurtlarynyň ýaşalýan ýerleriniň şertli bölegi. *Yklym perizady sen, Gamgyn köňlüm şady sen, Sen bir yşkyň ody sen, Men pakyr perwanasy* (Zelili). **2.** Hemme tarapy ýa-da hemme tarapy diýen ýaly deňizler, okeanlar (ummanlar) bilen gurşalan örän uly gury ýer giňişligi. *Iki sany uly yklymyň – Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda ýerleşen Türkmenistan asyrlaryň hem-de müňýyllyklaryň sepgidinde asudalygyň we durnuklylygyň gyşarnyksyz utgaşmagy bilen tapawutlanýan döwlet düzgüniniň özboluşly nusgasyny dünýä görkezdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

◊ **Ýedi yklym** gadym zamanlarda Gündogar ýurtlarynyň ýaşalýan ýerleriniň ýedi sany şertli bölegi. *Pyragy diýr, ýedi yklym, çöl galar* (Magtymguly). *Iş bitiren adyňyz ýedi yklyma ýaýrandyr* (Mätäji).

**YKMA** [y:kma], *iş ady.* Ykmak ýagdaýy.

**YKMAK** [y:kmak], *işl.* **1.** Ýeliň ugruna galgamak, gaýmalamak, hereket etmek. *Asmanda bölejik bulutlar ygýardy* (A. Gowşudow). **2.** Biderek entäp ýörmek, söw-söw syryp ýörmek. *Ol okuw sagadyny gutarandan soň, gapyçy tazy ýaly ygýardy* (A. Gowşudow).

**YKMAKLYK** [y:kmaklyk], *iş ady.* Ykmak ýagdaýy.

**YKMALAMAK** [y:kmalamak], *işl., gepl.d.* Ýuwaş ýöräp, gezim etmek, gezmelemek, iki-baka ýöremek. *Şol mahal öýden çykan bir gara salgym bolup, oýan-buýan ykmalady-da, bu ikisiniň yklap duran diwaryna ýakynlaşdy* (A. Gowşudow).

**YKMALAŞMAK** [y:kmalaşmak], *işl.* Gezim edişip, gezmeleşip ýörmek, onda-munda bilelikde gezim etmek.

**YKMANDA** [y:kmanna], *at.* **1.** Öýsüz-öwzarsyz entäp ýören, sergezdan. *Ykmanda köpek.* **2.** *gepl.d.* Söw-söw syryp ýören, biderek entäp ýören. *Biz siziň ýaly işsiz, ykmanda däl* ("Edebiýat we sungat"). **3.**

*gepl.d.* Gezende, gezegen. *Beýle ykmanda bolma, wagtragynda öýüňe köwlenerler.*

**YKMANDALYK** [y:kmannalyk], *at.* Ykmandanyň bolşy, ýagdaýy. *Belli bir käriň başyny tutman, ykmandalyk edip ýörmek bolmaz.*

**YKRAR** [ykyra:r]: **ykrar etmek 1)** dogry, hakyky diýip bilmek, tassyk etmek. *Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň juda kitaphon hem okumyş adamdygyny dünýä jemgyýetçiligi ykrar edýär* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk). **2)** karar etmek, makul bilmek, makullamak. *Hatyjany Mömine bermegi ykrar edip, toýa başlapdyr* (N. Pomma).

**YKRARLY** [ykyra:rly], *syp., ser.* **Ygrarly**.

**YKRARLYLYK** [ykyra:rlylyk], *at, ser.* **Ygrarlylyk**. *Adamy wepalylyk, lebizlilik, ykrarlylyk duýgusy bezeýär.*

**YKRARNAMA** [ykyra:rna:ma], *at.* Ýygnaklarda ara alnyp maslahatlaşylmak netijesinde kabul edilen karar, kararnama.

**YKRARSYZ** [ykyra:rsyz], *syp., ser.* **Ygrarsyz**. *Yssy beren köpek ýegdir, Uýatsyz, ykrarsyz ärden* (Magtymguly).

**YKRARSYZLYK** [ykyra:rsyzlyk], *at.* Ykrary ýokluk, ykrarsyz bolmaklyk, ygrarsyzlyk. *Ykrarsyzlygyňy görkezmek.*

**YKRYK** [ykyryk], *at.* **1.** Ösümliklerde bolýan garabaş keseli; **2.** Agajyň şahalarynda mör-möjekleriň ören içi gurçukly gozasy.

**YKRYKLAMA** [ykyryklama], *iş ady.* Ykryklamak ýagdaýy.

**YKRYKLAMAK** [ykyryklamak], *işl.* Ykryk keseli bilen kesellemek (ösümlik hakynda).

**YKRYKLAMAKLYK** [ykyryklamaklyk], *iş ady.* Ykryklamak ýagdaýy.

**YKRYKLATMAK** [ykyryklatmak], *işl.* Ykryk keselini ýokuşdyrmak.

**YKRYKLAÝYŞ** [ykyryklaýyş], *iş ady.* Ykryklamak ýagdaýy.

**YKYRDAMA,** *iş ady.* Ykyrdamak ýagdaýy.

**YKYRDAMAK,** *işl.* Ykyrdyly ses çykmak, ykyrdyly seslenmek (gar, gaty gowy ýuwlan eşik hakynda). *Öz aýaklarynyň astynda ykyrdap ýatan doň garyň sesini eşidýärdiler* (A. Gowşudow).

**YKYRDAMAKLYK,** *iş ady.* Ykyrdamak ýagdaýy.

**YKYRDAŞMAK,** *işl.* Ykyrdyly seslenmek (gar, gaty gowy ýuwlan eşik hakynda).

**YKYRDATMAK,** *işl.* Ykyrdap duran etmek, ykyrdyly ses çykartmak. *Şu sabynyň hili gowy eken, eşikleri ykyrdadaýypdyr.*

**YKYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Ykyrdamak ýagdaýy.

**YKYRDY,** *at.* Ykyrdap çykýan sesiň ady.

**YKYŞAK,** *at.* Şemal degmeýän ýyly ýer.

**YKYŞGA** [y:kyşğa], *at, ser.* **Ykyşak.**

**YLAHY** [yla:hy], *at.* "Hudaýym, Allam, Taňrym" diýen manydaky birine bir zat arzuw, alkyş edilende ulanylýan söz. *Ylahym, müň ýaşa çynar, Saýaňa gyzlar geleýdi* ("Görogly").*Ylahy, aýalsyzlygy Görkezmesin hiç musulmana* (Magtymguly).

**YLAHYM** [yla:hy:m], *hal, gepl.d.* Hemişe, elmydama. *Ylahym ýamanlyk ýüzüni görmäsiň, eden ýagşylygyň hudaýdan gaýtsyn!*

**YLAHYÝET** [yla:hyýet], *at.* Hudaý hem-de din baradaky taglymat.

**YLALAŞDYRMAK** [yla:laşdyrmak], *işl.* **1.** Tersleşen adamlary ýaraşdyrmak. – *Biz oňşup bilmeýäris – diýende, Bahar oňa: – Bizi ylalaşdyraýsana – diýip ýalbarýar* (K. Jumaýew). **2.** Bir mesele boýunça iki tarapy ylalaşyga getirmek.

**YLALAŞDYRYJY,** *syp.* Ylalaşdyrýan, ylalaşdyrmagy guraýan. *Aşgabat – ylalaşdyryjy merkez, hemişelik Bitarap ýurduň paýtagty.*

**YLALAŞMA** [yla:laşma], *iş ady.* Ylalaşmak ýagdaýy.

**YLALAŞMAK** [yla:laşmak], *işl.* Biriniň pikirine goşulmak, biriniň pikiri bilen razylaşmak.

**YLALAŞMAKLYK** [yla:laşmaklyk], *iş ady.* Ylalaşmak ýagdaýy.

**YLALAŞMAZLYK** [yla:laşmazlyk], *iş ady.* Ylalaşyga gelmezlik.

**YLALAŞYK** [yla:laşyk], *at.* **1.** Bir mesele boýunça iki tarapyň barlyşygy, razylygy. **2.** Belli bir mesele boýunça özara baglaşylan şertnama.

**YLALAŞYKLY** [yla:laşykly], *syp.* Ylalaşyk gazanylan, ylalaşyga gelnen. *Ylalaşykly edilen iş gowy bolar.*

**YLALAŞYKSYZ** [yla:laşyksyz], *syp.* Ylalaşygy ýok, ylalaşygy bolmadyk. *Ylalaşyksyz öýüň gelni ogurlyk eder* (Atalar sözi).

**YLALAŞYKSYZLYK** [yla:laşyksyzlyk], *at.* Ylalaşygy ýokluk, ylalaşykly dällik, ylalaşygy bolmadyk.

**YLALAŞYLMAK** [yla:laşylmak], *işl.* Belli bir iş, ýagdaý, mesele we ş.m. hakynda razylaşmak.

**YLAÝTA-DA** [yla:ýta-da], "Aýratyn hem", "has hem", "aýratyn-da", "has-da" diýen ýaly manyda ulanylýan söz.

**YLAÝYM** [yla:ýym], *at, ser.* **Ylahym.** *Ol günleriň geçdigi bolsun, ylaýym* (M. Seýidow).

**YLAÝYK** [yla:ýyk], *syp., gepl.d., ser.* **Laýyk**.

**YLGAMA** [ylğama], *iş ady.* Ylgamak ýagdaýy.

**YLGAMAK** [ylğamak], *işl.* **1**. Aýagyňy ýerden çalt-çaltdan galdyryp, bir ugra çalasyn hereket etmek, ýüwürmek, ýortmak. *Nedirguly ylgap barýardy* (N. Jumaýew). **2**. *göç.m.* Bir işi bitirmek üçin jan çekmek, zähmet çekmek. *Seni adam edip ýetişdirmek üçin, baý, ugruňda ylgandyryn-a.*

**YLGAMAKLYK** [ylğamaklyk], *iş ady.* Ylgamak ýagdaýy.

**YLGAŞLAMAK** [ylğaşlamak], *işl.* Kä ylgap, kä çalt ýöräp, öňe hereket etmek; ýakyn aralykda çalarak ylgamak. *Aman şol yzyň ugruny syryp, ylgaşlap başlady* (B. Soltannyýazow).

**YLGAŞMAK** [ylğaşmak], *işl.* **1.** Bir topar bolup bilelikde ylgamak. *Ýakynrakda bolup eşiden adamlar ylgaşyp gaýtsalar-da, wagtynda ýetişip bilmediler* (H. Derýaýew). **2.** Ylgamakda ýaryşmak. *Oglanlar biri-birinden ozjak bolup ylgaşdylar.*

**YLGAŞYK** [ylğaşyk], *at.* Ylgamaklyk. *Ol aýal oglum ylgaşyga gatnaşýar diýip öwünýär.*

**YLGATDYRMAK** [ylğatdyrmak], *işl.* Ylgatmaga mümkinçilik bermek, ýol berdirmek.

**YLGATMAK** [ylğatmak], *işl.* Ylgamaga mejbur etmek; ylgamaga mümkinçilik bermek. – *Bar-da eşegi suwa ýak! – diýip, Gurbany iki ýana ylgadýardy* (A. Durdyýew).

**YLGAW** [ylğow], *at,* **1.** Çalt ädimläp ylgama (adam hakynda). *Raýyşdan düşdi-de, ylgawyna gelip öýe girdi* (N. Pomma). **2.** Ylgaşyk arkaly geçirilýän ýaryş.

◊ **Ylgawyňy ýazdyrmazlyk** säginmän, durman ylgap gitmeklik. *Ol oglan ylgawyny ýazdyrman, bularyň ýanyna gelip ýetdi* (B. Pürliýew).

**YLHAM,** *at.* Ruhy göteriliş, joşgun, hyjuw.

◊ **Ylham etmek** hyjuw bermek, joşgun bermek. *Ylham etdi möwlam maňa* (Magtymguly).

**YLHAMLYLYK,** *at.* Ylhamy barlyk, ylhamly bolmaklyk.

**YLHANAT** [ylha:nat], *at.* **1.** Nejis, ýigrenji, pis. *Olaryň biri burunlak, agzynda ýeke dişi ýok, kellesi saňňyldawuk, bir ylhanat kempir ekeni* (N. Pomma). **2.** *göç.m.* Gaty köne, egne geýer ýaly däl. *Kimden galan ylhanat, ogşuk bahaly içmek* (Kemine).

**YLKYRAMAK,** *işl., gepl.d.* Näzirgemek, syrkawsyramak, ýaramadyksyramak, eljiremek, jögülik etmek.

**YLLA** [ylla:], *kön.s.* Edil, hut, agyn, tüýs. *Wagtyň özi ylla bir uçup barýan guş ýaly, neneňsi geçenini-de aňşyryp bolmaýar* (A. Nazarow).

**YLLAT,** *at, k.d.* Kesel, dert. *Kanagat barça yllatyň dowasy* (Sopy Allaýar). *Bir gün bolar, yllat goýar janyňda, Ömrüňde ugraşyp gezseň şum bilen* (Magtymguly).

**YLMY,** *syp.* Ylmyň ýörelgelerine esaslanýan, ylmyň talaplaryna laýyk bolan, ylma degişli. *Men ony size diňe bir tejribe bilen däl-de, ylmy deliller bilen tassyklaýaryn* (B. Kerbabaýew). *Ylmy makala. Ylmy iş. Ylmy maslahat.*

**YLMY-BARLAG** [ylmy-va:rlağ], *at.* Ylmy taýdan geçirilýän derňew, barlag, ylmy-derňew.

**YLMY-DERŇEW** [ylmy-derňöw], *at, ser.* **Ylmy-barlag.** *Umuman, pagta barasynda ylmy-derňew işleri kän geçirilýär* (B. Kerbabaýew).

**YLMYLYK** [ylmy:lyk], *at.* Ylmyň ýörelgelerine esaslanmaklyk, ylmyň talaplaryna laýyklyk, ylmy häsiýetlilik.

**YLYKDYRMAK,** *işl., gepl.d.* Kimdir birini özüňe gaty öwrenişdirmek.

**YLYM,** *at.* **1.** Tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşindäki kanunalaýyklyklar hakyndaky bilimler ulgamy we daşky dünýä täsir ediş ýollary, şeýle hem bilimleriň aýry-aýry pudaklary. **2.** Adamyň okamak ýa-da durmuş tejribesi arkaly alan bilimi, sowady, düşünjesi. *Ylym almak – iňňe bilen guýy gazmak* (Atalar sözi).

**YLYMDAR** [ylymda:r], *syp., ser.* **Ylymly.** *Ylymdar adam.*

**YLYMLY,** *syp.* **1.** Bilim, ylym derejesi ýokary, bilimli, ylymdar. *Ylymly adam.* **2.** Sowatly, düşünjeli. *Obanyň hemme gyzlarynyň Bahar ýaly ylymly bolmaklaryny arzuw etdiler* (A. Gowşudow).

**YLYMLYLYK,** *at.* **1.** Ylymy barlyk, ylymly bolmaklyk. **2.** Sowatlylyk. *Ylymlylyk adamyň dünýägaraýşyny giňeldýär.*

**YLYMSYZ,** *syp.* Ylymy ýok, ylymy bolmadyk.

**YLYMSYZLYK,** *at.* Bilimi, ylymy ýokluk, ylymly dällik, bilimsizlik. *Ylymsyzlyk nadanlykdyr.*

**YMAM** [yma:m], *at.* **1.** Dine, şerigata ýolbaşçylyk edýän we metjitde namaz okaýanlaryň öňünde duryan adam. **2.** Oglana dakylýan at.

**YMAMLYK** [yma:mlyk], *at.* **1.** Ymamyň wezipesi, ýagdaýy. *Sähet işanyň ymamlygynda hersi öz namazlygynda hatarlaýyn durup namaz okanlaryndan soň, özara her babatdan gürrüň ederdiler* (N. Pomma). **2.** Ymama dahyly bolan. *Meniň ymamlyk işim çykdy.*

**YMARAT** [yma:rat], *at.* Uly jaý, beýik bina.

**YMGYR** [ymğyr], *syp.* **1.** Ýaýlyp ýatan, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän, giden, uly, giň, çäksiz. *Küýsedi ol gözel ýary, Ymgyr çölde ýok karary* (Ç. Aşyrow). **2.** Sansyz-sajaksyz, ummasyz. *Ymgyr köp zat.*

**YMMAT,** *at.* Bir dine, mezhebe uýýan adamlar, halk. *Muhammet Mustafa ymmaty özüm, Ýetişer günleriň geldi, ezizim* ("Saýatly – Hemra"). *Mynajat dagyna çykan, Ymmatyň çyragyn ýakan, Pygamber hyrkasyn geýgen, Weýis hem ötdi ogulsyz* ("Hüýrlukga – Hemra").

**YMSYNDYRMAK** [ymsynnyrmak], *işl.* Ymsynmagyna sebäp bolmak, ymsynmagyna getirmek. *Gowurmanyň ýakymly ysy Kyýasy ymsyndyrdy* (N. Jumaýew).

**YMSYNMA,** *iş ady.* Ymsynmak ýagdaýy.

**YMSYNMAK,** *işl.* Görüp duran zadyňy iýesiň gelmek. *Süýji, şireli iýmite ymsynýany üçin, diňe dodaklaryny ýalaýardy* (B. Kerbabaýew). *Sen bir zatdan ymsynyp, basyk bolupsyň* ("Nesil").

**YMSYNMAKLYK,** *iş ady.* Ymsynmak ýagdaýy.

**YMSYNYŞ,** *iş ady.* Ymsynmak ýagdaýy.

**YMSYNYŞMAK,** *işl.* Birnäçe adam bilelikde ymsynmak. *Ymsynyşyp oturmak.*

**YMTYLMA,** *iş ady.* Ymtylmak ýagdaýy.

**YMTYLMAK,** *işl.* **1.** Bir zatdan hantama, tamakin bolup garaşmak, göz dikmek. *Daşarda ymtylyp seredip otyr* ("Görogly"). **2.** Bir zady göz öňünde tutmak, amala aşyrmagy maksat edinmek, bir zady ýerine ýetirmäge çalyşmak. *Sen hemme aýdylan zady gönümel manysynda düşünmäge ymtylýarsyň* (B. Kerbabaýew).

**YMTYLMAKLYK,** *iş ady.* Ymtylmak ýagdaýy.

**YMTYLYŞ,** *iş ady.* Ymtylmak ýagdaýy.

**YMTYLYŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup ymtylmak.

**YMYKLY,** *syp.* Çynlakaý, düýpli, pugta, mazaly. *Ymykly işe girişmek. Oba gelmek ýüregiňde bar bolsa, ymykly göçüp gel.*

**YMYZGANMAK** [ymyzğanmak], *işl.* Az wagtlyk uklamak, çala irkilmek. *Dogrusyny aýdanda Nabat eje şol süýji hyýal bilen ymyzganypdy* (A. Gowşudow).

**YNAM**, *at.* Biriniň birine ýa-da bir zada bolan gatnaşygyna esaslanan, ak ýürekliligine, açyk göwünliligine, dogruçyllygyna, ynsaplylygyna ýa-da bir zadyň dogrulygyna, nädogrulygyna bolan ynanç, esas, abraý.

◊ **Ynam bildirmek** ynanmak. **Ynam etmek** ynanmak.*Ynam etmeseňiz sözüme meniň, Görkezeýin, düşüň yzyma meniň!* (A. Salyh).

**YNAMDAR** [ynamda:r], *syp.* **1.** *ser.* **Ynamly 1**. *Ol özüne ynamdar adam gözleýärdi.* **2.** *göç.m.* Berk, tutanýerli, gaýduwsyz, ygtybarly. *Jonnuk batyr ynamdar jogap gaýtardy* (B. Kerbabaýew).

**YNAMDARLYK** [ynamda:rlyk], *at, ser.* **Ynamlylyk.** *– Bu ýerde her haýsyňyzyň bitiren işiňiz aýnada görnen ýaly görkezilipdir – diýip, özüniň hasap kartasyna ynamdarlyk bildirmek bilen öňki ornunda oturdy* (A. Gowşudow).

**YNAMLY,** *syp.* **1**. Ynam edilýän, ynam edip bolýan, janyňy ynanyp bolýan, ygtybarly, ynamdar. **2**. Edýän hereketiniň dogrulygyna ynam bilen garaýan, ynanýan. *Işe ynamly ýapyşmak. Ynamly bolmak.*

**YNAMLYLYK,** *at.* Ynama mynasyplyk, ynançlylyk, ähtibarlylyk, ynamdarlyk. *Şol tarapa ynamlylyk bilen ýöräp ugrady* (N. Jumaýew).

**YNAMSYZ**, *syp.* **1**. Ynamy ýok, ynamy bolmadyk. *Durmuşda ynamsyz ýaşamak kyn.* **2**. Ynama mynasyp bolmadyk, ynamy ödemeýän, ynam edip bolmaýan, ynanar ýaly däl. *Ol şol sekuntda Bossana ynamsyz garan bolsa, häzir ol Bossanyň pikiri bilen razylaşdy* (B. Kerbabaýew).

**YNAMSYZLYK,** *at.* Ynamly dällik, ynamy ýokluk. *Seniň ynamsyzlyk bilen bakyşyň, beýle sözler aýdyşyň maňa agyr degýär* (B. Seýtäkow).

**YNANÇ**, *at, ser.* Bir zada bolan ynamly garaýyş, ynanmak duýgusy.

◊ **Ynanç haty 1**). Biriniň ynam bildirip, öz adyndan başga birine bir zat almak we ş.m. üçin beren resmi haty. *Eger mümkin bolsa, men şol ynanç hatyny görmekçi* (N. Geldiýew). **2**). Bir ýurda bellenen ilçiniň şol ýurduň häkimiýetine gowşurýan resmi haty.

**YNANÇLY** [ynanyşly], *syp.* Bir zada, birine ynanjy bar, ynanýan. *Ynançly adam. Ynançly ýaşamak.*

**YNANÇLYLYK** [ynanyşlylyk], *at.* Ynanjy barlyk. *Ony siziňkiler alypdyr! – diýip, ynançlylyk bilen aýtdy* (B. Seýtäkow).

**YNANÇSYZ** [ynanyşsyz], *syp.* Ynanjy ýok, ynanjy bolmadyk.

**YNANDYRMAK** [ynannyrmak], *işl.* Biriniň bir zada ynanmagyny gazanmak. *Sözüniň üstünde gaty berk durdy, Ahyrda ussany berk ynandyrdy* (Ý. Nasyrly).

**YNANJAŇ**, *syp.* Aýdylýan her bir zada aňsatlyk bilen ynanýan. *Ynanjaňyň kellesi – tereziniň pellesi* (Nakyl). *Mämmet sadaraga-da, deşli, ynanjaň adamdy* (A. Durdyýew).

**YNANJAŇLYK**, *at.* Ynanjaň bolmaklyk, ynanjaňyň gylyk-häsiýeti. *Pökgen, bu taýda seniň ynanjaňlygyňdan başga hiç bir günäň ýok* (A. Gowşudow).

**YNANMA**, *iş ady.* Ynanmak ýagdaýy.

**YNANMAK**, *işl.* **1.** Bir zada, birine ynam etmek. *Gowulyk boljakdygyna ynanmak. Halka ynanmak.* **2.** Haýsydyr bir zady hakykat hökmünde kabul etmek. *Dostunyň aýdan sözlerine ynandy.*

◊ **Janyňy ynanmak** biriniň özüň babatynda diňe adalatly hereket etjekdigine, özüňe ýamanlyk etmejekdigine ynam etmek. *Onuň janyny ynanýan ýekeje dosty bardy.*

**YNANMAKLYK,** *iş ady.* Ynanmak ýagdaýy.

**YNANYLMAK,** *işl.* Ynam edilmek, ynanç bildirilmek. *Amanat-da bolsa, bize ynanylyp, bize tabşyrylandyr* (H. Deryaýew).

**YNANYŞ,** *iş ady.* Ynanmak ýagdaýy.

**YNANYŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-biriňe ynanmak. *Bir gapydan örjek bolsaňyz, ynanyşmak hökmandyr.* **2**. Birnäçe bolup bir zada ynanmak. *Emma hemmämiziň ynanyşymyz ýaly, peýdaly çekişmeler gurlar* ("Edebiýat we sungat").

**YNHA** [ynha:], "Ine" manysynda ulanylýan görkezme çalyşmasy.

**YNJALMA** [y:njalma], *iş ady.* Ynjalmak ýagdaýy.

**YNJALMAK** [y:njalmak], *işl.* **1.** Agyrydan, gahar-gazapdan, degen urgudan, tolgunmadan we ş.m. ýagdaýlardan soň rahatlanmak, köşeşmek. *Neneň, birneme ynjalýarmyň?* **2.** Birinden ýa-da bir zatdan arkaýyn bolmak, biri ýa-da bir zat hakynda alada, ünji etmäňi goýmak. *Ene çagajygy bäri bakansoň, ynjalan ýaly boldy.*

**YNJALTMAK** [y:njaltmak], *işl.* Ynjalykly etmek. *Seniň gürrüňiň meni birneme ynjaltdy.*

**YNJALYK** [y:njalyk], *at.* Howsala ýokluk, aladasyzlyk, rahatlyk. *Göwni ynjalyk tapdy. Meniň ynjalygym ýok.*

◊ **Ynjalygyny gaçyrmak** rahatlygyny bozmak, aladaly ýagdaýa salmak, ünjä goýmak.

**YNJALYKLY** [y:njalykly], *syp.* **1**. Ynjalygy bolan, ynjalyk tapan halda bolmaklyk **2.** Ýerleşikli, ornaşykly. *Çagalar ýerde ynjalykly oturyp, erteki diňleýärdiler* (A. Durdyýew).

**YNJALYKLYLYK** [y:njalyklylyk], *at.* Ynjalykly ýagdaý, ynjalylygy barlyk, ynjalykly halda bolmaklyk, aladaly dällik, ünjüsizlik, rahatlyk. *Ynjalyklylyk okaýan, işleýän, döredýän adam üçin iň zerur zatdyr.*

**YNJALYKSYZ** [y:njalyksyz], *syp.* Ynjalygy ýok, ynjalygy bolmadyk. *Ynjalyksyz adam.*

**YNJALYKSYZLANDYRMAK** [y:njalyksyz-lannyrmak], *işl.* Ynjalyksyz ýagdaýa salmak. *Siziň ähli teklipleriňizi diňlänimden soň, meni bir zat ynjalyksyzlandyryp başlady* (B. Seýtäkow).

**YNJALYKSYZLANMA** [y:njalyksyzlanma], *iş ady.* Ynjalyksyzlanmak ýagdaýy.

**YNJALYKSYZLANMAK** [y:njalyksyzlanmak], *işl.* Howsalaly ýagdaýda bolmak, bir zady ünji edinmek, aladalanmak. *Ussa meniň ynjalyksyzlanýandygymy duýup, özüçe göwünlik berdi* (G. Kulyýew).

**YNJALYKSYZLYK** [y:njalyksyzlyk], *at.* Ynjalygy ýokluk, ynjalykly dällik, ynjalykly bolmazlyk. *Gapy her sapar açylyp-ýapylanda, Magtymguly başyny galdyryp, daşaryk ynjalyksyzlyk bilen garaýardy* (G. Kulyýew). *Ýeke galan Aman ynjalyksyzlyk zerarly krowatyň üstünde eýlesine-beýlesine agdarynanda, otagyň içi dym-dyrslykdy, hiç ýerden ses-üýn eşidilmeýärdi* ("Garagum").

**YNJALYŞ** [y:njalyş], *iş ady.* Ynjalmak ýagdaýy.

**YNJALYŞMAK** [y:njalyşmak], *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan birneme ynjalmak, ynjalyk tapmak, az-kem rahatlanmak. *Oglanlar-da gowurdysyny kesip ynjalyşypdylar* (B. Gurbanow).

**YNJAMA I, II,** *iş ady.* Ynjamak ýagdaýy.

**YNJAMAK I,** *işl.* **1**. Birinden göwnüň galmak, göwne degilmek. **2**. Ezýet çekmek, azap görmek, horlanmak. *Siziň maşgalaňyzyň azajyk ynjajak ýerinde men özüm hem razy däl* (H. Derýaýew).

**YNJAMAK II,** *işl.* Yslanyp, zaýalanyp başlamak (et, süýt, gatyk hakynda).

**YNJAMAKLYK I, II**, *iş ady.* Ynjamak ýagdaýy.

**YNJAŞMAK**, *işl.* Biri-biriňi ynjatmak, göwnüni ýykmak. *Goňşymyz bilen ajaşan, ynjaşan ýerimiz ýokdur.*

**YNJATMAK I,** *işl.* Biriniň göwnüni ýykmak, göwnüne degip, azar bermek. *Sen meni şeýle bir ynjatdyň, şol ynjy uzak wagtlap meniň ýadymdan çykar öýdemok* (B. Kerbabaýew).

**YNJATMAK II,** *işl.* Zaýalamak, yslandyrmak (et, gök önümler we ş.m. hakynda).

**YNJAÝYŞ I, II**, *iş ady.* Ynjamak ýagdaýy.

**YNJY,** *at.* Birinden ynjamakdan ýürekde galýan ruhy nähre, azar, ezýet. *Melikäniň häzir ejesiniň göwnüne degesi gelenokdy, ynjysyny içinde saklajak bolup çalyşýardy* (G. Kulyýew).

**YNJYDYLMAK,** *işl.* Biriniň göwnüne deglip, azar berilmek.

**YNJYK**, *syp.* **1**. Aýdylan gaty-gaýrym sözi götermeýän, göwnüne alagan. *Nar diýilýän agaç gaty ynjyk ösümlikdir* (A. Gurbanow). **2**. Howanyň amatsyz şertlerine çydamsyz, näzik.

**YNJYKLYK,** *at.* **1**. Ynjyk häsiýetli bolmaklyk. *Ol sähelçe zada ynjyklyk etmäge başlaýar.* **2.** Howanyň amatsyz şertlerine çydamsyzlyk, näziklik. *Gowaçanyň ynjyklygy hem çaganyňky ýalydyr.*

**YNKYLAP** [yňkyla:p], *at, taryh.* Bir synpyň häkimiýeti zorluk bilen ele almagyna alyp barýan jemgyýetçilik-syýasy gatnaşykdaky düýpli agdarylyşyk, rewolýusiýa.

**YNKYLAPÇY** [yňkyla:pçy], *at, taryh.* Ynkylaba gatnaşyjy, rewolýusioner.

**YNS** [ynys], *at.* Adamzat, ynsan. *Ynsmysyň, jynsmysyň?* ("Türkmen halk ertekileri").

**YNSAN** [ynsa:n], *at.* Umuman, adam nesli, adam.

**YNSANÇYLYK** [ynsa:nçylyk], *at, ser.* **Ynsanlyk.** *Ol ynsançylyk häsiýetini ýitirip, gapynyň agzynda nähili bolup duranyny bilmeýärdi* (A. Durdyýew).

**YNSANLYK** [ynsa:nlyk], *at.* Ynsana mahsus bolan häsiýet, adamkärçilik. *Eger kalbynda bir ynsanlyk wyždany bar adam bolsa, beýle sözleri çekip çydamazdy* (A. Gowşudow).

**YNSANPERWER** [ynsa:nperwör], *at.* Adam mertebesine sarpa goýýan, ynsansöýer.

**YNSANPERWERLIK** [ynsa:nperwörlük], *at.* Ynsansöýüjilik, ynsany gowy görüjilik häsiýeti. *Ynsanperwerlik, açyklyk, din erkinligi, beýleki halklaryň medeniýetine sarpa goýmak ýaly ýörelgeler türkmen häsiýetiniň esasyny düzýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**YNSANYÝET** [ynsa:nýet], *at.* Adamzat, adam nesli.

**YNSANYÝETÇILIK** [ynsa:nýetçilik], *at, ser.* **Ynsanyýetlik.** *Ýazyjy ynsanyýetçiligiň sypatyny öz gahrymanlarynyň hereketi arkaly gyzykly suratlandyrypdy* ("Garagum").

**YNSANYÝETLIK** [ynsa:nýetlik], *at.* Adamkärçilik, adama mahsus bolan gylyk-häsiýetlilik. *Haýyr-hümmete gadyr goýmagam uly ynsanyýetlikdir.*

**YNSAP** [ynsa:p], *at.* Jemgyýetiň öňünde ýa-da aýratyn halatda ahlak jogapkärçilik duýgusy, adalatly içki duýgy, wyždan. *Adamyň ynsaby sap bolmaly.*

◊ **Ynsap etmek** her bir zatda özüňden başga adamyň-da paýynyň bardygyny nazarda tutup, adalatlylyk etmek.

**YNSAPLY** [ynsa:ply], *syp.* Ynsap edýän, ynsaby bar bolan. *Ynsaply aşyny iýer, ynsapsyz – başyny* (Nakyl).

**YNSAPLYLYK** [ynsa:plylyk], *at.* Ynsaby barlyk, ynsap etmeklik; wyždanlylyk.

**YNSAPSYZ** [ynsa:psyz], *syp.* Ynsabyny ýitiren, ynsaby bolmadyk. *Ynsapsyz – imansyz* (Nakyl).

**YNSAPSYZLYK** [ynsa:psyzlyk], *at.* Ynsaby ýokluk, ynsaply dällik, ynsapsyz bolmaklyk.

**YNS-JYNS** [ynys-jynys], *at.* **1.** Ynsan we jyn. *Döw periniň, ynsyň-jynsyň patyşasy, Soltan bolan şa Süleýman, şypa ber?* (Magtymguly). **2.** *göç.m.* Adam-gara, janly-jandar; hiç kim. *Meýdanda yns-jyns ýokdy.*

**YŇDARMA, 1.** *iş ady.* Yňdarmak ýagdaýy. **2.** *syp.* Biriniň nädogry sözüne ynanyp, gepine gidip, garaşylmadyk zat diýýän, käte bolsa bijaý hereket etmägä taýyn (adam hakynda). *Ol yňdarma adamdy.* **3.** *göç.m.* Köp adam üýşen, mähellesi ýetik (ýer). *Yňdarma märekäniň daşyna bir aýlanýar* ("Watan").

**YŇDARMAK,** *işl., gepl.d.* **1**. *ser.* **Eňtermek**. *Ol gorsanyp, demlengi çäýnegi yňdaryp göýberdi.* **2.** Bir zada ynandyrmak, yrmak. **3.** Münüp barýan ulagy bilen eňmek, eňtermek. *Gülaýym hem gylyjyny syryp, Gyraty onuň üstüne yňdardy* ("Görogly").

**YŇDARMAKLYK,** *iş ady.* Yňdarmak ýagdaýy.

**YŇDARMALYK,** *at.* Yňdarma häsiýetli bolmaklyk. *Şu yňdarmalygym gursun* (N. Baýramow).

**YŇDARYLMAK,** *işl, gepl.d.* **1.** Bir tarapa eňterilmek, ýykylmak, agdarylmak. *Eger Aýna oňa söýget berip durmadyk bolsa, ol ýene arkanlygyna yňdarylyp gitjekdi* (B. Kerbabaýew). **2.** Bir zada ynanylmak, aýdylan gepe yrylmak. *Mama Umsagülüň sözüne bütinleý yňdaryldy* (B. Kerbabaýew). **3.** Bir tarapa ulagly çalt gitmek, eňmek. *Atlaryny şaýlap, bular hem yzlaryndan yňdaryldylar* ("Görogly"). **4.** *göç.m.* Güýçli bulanyp akmak, agdar-düňder bolup akmak. *Suw yňdarylyp gitdi.*

**YŇDARYŞ,** *iş ady.* Yňdarmak ýagdaýy.

**YŇMA**, *iş ady.* Yňmak ýagdaýy.

**YŇMAK**, *işl., gepl. d.* Bir ugra gönükmek, eňmek, gitmek.

**YŇMAZLYK,** *iş ady.* Bir ugra gönükmezlik, eňmezlik, gitmezlik. *Söýdürsemem, söýen ýara yňmadym* (G. Şagulyýewa).

**YŇŇY-DAŇŇY,** *at.* Ýarawsyzlyk sebäpli aýdylýan zeýrenç. *Oglumyň yňňy-daňňysy galyp baranok-da, keselden saplanyp bilenok.*

**YŇŇYL-ÇYŇŇYL** *at, ser.* **Yňňyldy.** *Yňňyl-çyňňylyň bes et!*

**YŇŇYLDAMA** [yňňyllama], *iş ady.* Yňňyldamak ýagdaýy

**YŇŇYLDAMAK** [yňňyllamak], *gepl.d.işl.***1.** Närazylyk, nägilelik bildirmek, zeýrenmek, yňňyl-çyňňyl etmek, iňňillemek. *Ol yňňyldap, meni bizar etdi.* **2.** *gepl.d.* Agyryňa çydaman, iňlemek. seslenmek. *Näsag bütin gijäni yňňyldap geçirdi.*

**YŇŇYLDAŞMAK** [yňňyllaşmak], *işl., gepl.d.* **1**. Birnäçe bolup yňňyldamak, iňňildemek. **2**. Birnäçe adam bilelikde iňlemek.

**YŇŇYLDATMAK** [yňňyllatmak], *işl., gepl.d.* Yňňyldar ýaly etmek, iňlemäge mejbur etmek.

**YŇŇYLDAÝYŞ** [yňňyllaýyş], *iş ady.* Yňňyldamak ýagdaýy.

**YŇŇYLDY** [yňňylly], *at, gepl.d..* Närazylyk, nägilelik, agyry sebäpli çykýan sesiň ady, iňňildi.

**YŇRAMAZ,** *at.* Alty ýaşdan geçen goýun.

**YP-YSSY,** *syp.* Ýylylyk, gyzgynlyk derejesi ýokary, gaty yssy.

**YRADA** [yra:da], *at.* **1.** Niýet, isleg, arzuw, meýil, erada. *Öňki eden yradasy bolmansoň, Gaýtdy gadam urup ýene yzyna* (R. Seýidow). **2.** Höküm, buýruk, emir. *Allanyň yradasy bilen bolýan zatlar.*

**YRA-DARA,** *syp., ser.* **Yraň-daraň.** *Ol agyr keselden soň öý işlerine yra-dara gymyldap ugrady.*

**YRAK,** *syp.* Daş, uzak, alys. *Näzli dilber, bir dilegim bar saňa, Aýdaýyn arzymy yrakda durma* (Mätäji).

**YRALAMA,** *iş ady.* Yralamak ýagdaýy.

**YRALAMAK,** *işl.* Birini ýa-da bir zady eýläk beýläk birnäçe gezek çalaja hereketlendirmek. *Demirgazykdan öwüsýän mymyk şemal, gowaçalary çalaja yralaýardy* (Ö. Abdyllaýew).

**YRALAMAKLYK,** *iş ady.* Yralamak ýagdaýy.

**YRALAŞDYRMAK,** *işl.* Birini ýa-da bir zady eýläk-beýläk birnäçe gezek yralap çykmak; hemmesini yralamak. *Dikilen sütünleri yralaşdyryp görmek.*

**YRALAŞMAK,** *işl.* Birini ýa-da bir zady yramaga kömekleşmek.

**YRALATDYRMAK,** *işl., ser.* **Yralatmak**.

**YRALATMAK,** *işl.* Yralamak işini başga birine etdirmek.

**YRALAÝYŞ,** *iş ady.* Yralamak ýagdaýy.

**YRAMA,** *iş ady.* Yramak ýagdaýy.

**YRAMAK,** *işl.* Birini ýa-da bir zady gymyldatmak, eýläk-beýläk hereket etdirmek. *Mylaýym şemal gök otlaryň başlaryny çalaja yraýardy* (A. Nazarow).

◊ **Yrap görmek** biri bilen gepleşmek arkaly bir zady biljek bolmak, biriniň pikirini bilmäge çalyşmak.

**YRAMAKLYK,** *iş ady.* Yramak ýagdaýy.

**YRANDYRMAK** [yrannyrmak], *işl.* Iki ýana yraň atdyrmak, yralatmak.

**YRANJYRAMAK,** *işl.* Yraň atmak, wagtal-wagtal ýuwaşja yranmak, eýläk-beýläk çaýkanjyramak. *Onýança şar gara murty burum-burum bolup duran pyýada yranjyrap içeri girdi* (G. Kulyýew).

**YRANMAK,** *işl.* **1.** Ikibaka, eýläk-beýläk hereket etmek, ýaýkanmak. *Agaçlaryň başlary yranýardy.* **2.** Titremek, sarsmak, goduklamak (ýer hakynda). *Kyrk sekizde ýer yrananda ol oglanjykdy.*

**YRANYŞMAK,** *işl.* Birnäçe zat eýläk-beýläk hereketde bolmak; ýaýkanyşmak, bilelikde yranmak. *Düýe üstünde yranyşyp barýanlar seýrekdi* (B. Kerbabaýew).

**YRAŇ: yraň atmak** *ser.* **Yranmak**. *Ýigit gözgyn yraň atyp barýardy, Gün öýle ýerine ýetip barýardy* (B. Hudaýnazarow).

**YRAŇ-DARAŇ,** *syp.* Ýuwaşlyk bilen, ýuwaşja, assa-ýuwaş, zordan, yra-dara. *Bakyýew yraň-daraň edip, zordan öýüne ýetdi* (G. Gurbansähedow).

**YRAŇKYRLAMAK,** *işl.* Yrmaga, razy etmäge golaýlamak, "yrdym" diýen ýaly edip goýmak. *Kömek aga bolsa aýaly bilen gepleşip, ony ahyrsoňy yraňkyrlady* (N. Saryhanow).

**YRAÝYŞ,** *iş ady.* Yramak ýagdaýy.

**YRDYRMAK,** *işl.* Birini bir zada razy etdirmek, boýun boldurmak. *Ol şeýle bir häsiýetli adamdy, yrdyrar ýaly däldi.*

**YRGA** [yrğa], *syp.* **1.** Yranyp duran, gymyldap duran. *Daglaryň başy yrga, Doganym müner ýorga, Çyk içerden gelneje, Doganyma ýaglyk sarga* (Halk döredijiliginden). **2.** *göç.m.* Messepsiz, tutanýerli däl, durnuksyz (gylyk-häsiýet hakynda). *Onuň ýüpüniň üstünde odun goýarlyk ýokdur, yrgadyr.*

**YRGAÝ** [yrğaý], *at.* Dagda bitýän gyrymsy berk agaç. *Çeşmäniň ýakalary dagdan, garadolan, yrgaý, injir, nar, böwürslen ýaly gyrymsy agaçlardan doly* (Ç. Aşyrow).

**YRGYLDAMA** [yrğyllama], *iş ady.* Yrgyldamak ýagdaýy.

**YRGYLDAMAK** [yrğyllamak], *işl.* **1.** Iki ýana çala gymyldamak, yranmak. *Öwsen şemala agaçlaryň başy yrgyldaýardy.* **2**. Ýuwaşja hereket edip ýöremek. *Agyr ýükli otly yrgyldap gidip barýardy. Garryja adam gumak ýoluň gyrasy bilen yrgyldap gelýärdi.*

◊ **Yrgyldap ýörmek** ýuwaş-ýuwaş işläp, gezip ýörmek, gün-güzeran görmek.

**YRGYLDAMAKLYK** [yrğyllamaklyk], *iş ady.* Yrgyldamak ýagdaýy.

**YRGYLDAŞMAK** [yrğyllaşmak], *işl.***1.** Birnäçe zat bilelikde yrgyldamak. *Ösüp oturan beýik agaçlaryň başy şemala çalaja yrgyldaşýardy.* **2.**Ýuwaşja hereket edişip ýöremek (birnäçe zat ýa-da adam hakynda). **3**. *gepl.d.* Çalaja ýöräp gitmek. *Uzyndan hortap garry adamlar uly ýoluň boýuny syryp, yrgyldaşyp barýardy.*

**YRGYLDATMAK** [yrğyllatmak], *işl.* Bir zady iki tarapa yralamak, ýaýkamak. *Bir gün bu agajyň düýbüne bir pil gelip, agaja oýkanyp, agajy yrgyldadypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**YRGYLDY** [yrğylly], *at.* Yranmak netijesinde emele gelýän hereket.

**YRGYN** [yrğyn]**: yrgyn atmak** iki baka çala yranmak. *Çybşyl, çybşyl, çybşyldap, Yrgyn atýar iki ýan* (B. Kerbabaýew*).*

**YRLAMAK**, *işl.*, *gepl.d.* Kimdir birini, bir zady küýsäp, şony aýdym edinmek, zarynlamak, zeýrenmek. *Garry ene şäherde ýerlemän, obama – öýüme gitjek diýip, haçan görseň yrlap oturandyr.*

**YRLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup yrlamak. *Yrlaşyp oturmak.*

**YRMA,** *iş ady.* Yrmak ýagdaýy.

**YRMAK,** *işl.* Birini bir zada ynandyryp, razy etmek, boýun etmek; öz tarapyňa çekmek. *Men gyza sala salaýyn, Hem özüm yrjak bolaýyn* (Ç. Aşyrow).

**YRMAKLYK,** *iş ady.* Yrmak ýagdaýy.

**YRS** [yrys], *at.* Az zady bahana edýän, barypýatan dannagyç, her bir zadyň aňyrsyna ýetýänçä seljerýän. *Men onuň ýaly yrs adamy henize çenli gören däldirin.*

**YRSARAMA** [yrsa:rama], *iş ady.* Yrsaramak ýagdaýy.

**YRSARAMAK** [yrsa:ramak], *işl.* Bir zatdan bahana gözlemek, bahana aramak.

**YRSARAMAKLYK** [yrsa:ramaklyk], *iş ady.* Yrsaramak ýagdaýy.

**YRSARAŞMAK** [yrsa:raşmak], *işl.* Birnäçe bolup yrsaramak. *Awy oňmasa, awçy haly teň bolar, Yrsaraşyp, biri-birine jeň bolar* (Seýdi).

**YRSARATMAK** [yrsa:ratmak], *işl.* Biriniň yrsaramagyna ýol bermek, mümkinçilik bermek; yrsarar ýaly etmek. *Ýersiz ýere ony beýdip öz öýüň orruk ortarasynda yrsaradyp oturmasana.*

**YRYLMAK,** *işl.* **1.** Bir zada, meselä razy bolmak. **2.** Synyp, gowşap, ýykylyp başlamak.

**YRYLMAZLYK,** *iş ady.* **1**. Yrylmak katdyna ýetmezlik. **2.** Synmazlyk. *Döwletiňiz yrylmasyn!*

**YRYM,** *at.* Bir zady, hereketi, alamaty ýagşylyga ýormak däbi. *Mähriban enäniň yrym edip beren gyrmyzy çäýnegi Aýna uzak ýollara hemra boldy* ("Türkmenistan").

**YRYMÇY,** *at.* Yrym edýän, yryma ynanýan adam. *Gandym awçy yrymçylaryň gürrüňini kesä çekdi* (A. Gowşudow).

**YRYMÇYLYK,** *at.* Yrym etmeklik, yryma ynanmaklyk. *Başga yrymçy aýallaryň ony görende yrymçylygy ýadyndan çykyp gidýärdi* (A. Durdyýew).

**YRYSWA** [yryswa:]**,** *syp.* Masgara. *Kätibi diýr, galdyk ah bilen dada, Biz yryswa bolduk ýakyna-ýada* (Kätibi).

◊ **Ile yryswa etmek** iliň öňünde masgara etmek.

**YRYŞ,** *iş ady.* Yrmak ýagdaýy.

**YRÝA** [yrýa:], *at.***1.** Zaýa, isrip. *Nahary yrýa etmäň.* **2.** Biderek, boş, netijesiz. *Çaklarsyň, göýä bir akyl derýasy, Aýdanda sözüniň bolmaz yrýasy* (A. Kekilow).

**YRÝASYZ** [yrýa:syz], *syp.* Zaýasyz, isripsiz. *Şu günler bar bolan hasyly yrýasyz ýygnamak bilen geljek ýylyň hasyly üçin hem alada edýäris* ("Türkmenistan").

**YS** [y:s], *at.***1.** Maddanyň, jisimiň ysgamak arkaly kabul edilýän aýratynlygy. *Gülüň hoşboý ysy.* **2**. *gepl.d.* Ölen adam ýatlanyp edilýän sadaka. *Ogullary her anna agşamy ene-atasyny ýatlap, gapysynda ys edýär.*

**YSAÇ,** *at.* Bir zady gapjap tutmak, gysmak üçin demirden ýasalan gysgyç, gysaç. *Eli ysaçly biri gyzaran demri sandalyň üstünde goýup, taýly gezek eýlesine-beýlesine agdarýardy* (B. Kerbabaýew). *Ol özüniň ullakan ysajy bilen bir düňelek demri körügiň üstünde goýup, körügini basýardy* (A. Gowşudow).

**YSGALDYLMAK** [y:sğaldylmak], *işl.* Bir zadyň ysy aldyrylmak, ys alar ýaly etmek. *Derman ysgaldylandan soň, Rahman ýerinden galyp, eýläk-beýläk gezmelemäge başlady* ("Edebiýat we sungat").

**YSGAMA** [y:sğama], *iş ady.* Ysgamak ýagdaýy.

**YSGAMAK** [y:sğamak], *işl.* Bir zadyň ysyny almak üçin burnuňy ýakynlaşdyryp dem almak.

**YSGAMAKLYK** [y:sğamaklyk], *iş. ady.* Ysgamak ýagdaýy.

**YSGAŞDYRMAK** [y:sğaşdyrmak], *işl.* Bir ýanyndan ysgap başlamak, ysgap çykmak; köp zady yzly-yzyna ysgamak. *It baryp şol çynaryň düýbündäki ýatan ýasy daşy we çynary ysgaşdyrdy* (A. Gowşudow).

**YSGAŞMAK** [y:sğaşmak], *işl.* Biri-birini ysgamak. *Atlar suwdan ganyp, biri-birini ysgaşyp başladylar* (B. Seýtäkow).

**YSGATDYRMAK** [y:sğatdyrmak], *işl.* Bir zady ysgap gördürmek.

**YSGATMAK** [y:sğatmak], *işl.* Birine bir zadyň ysyny aldyrmak. *Doktor wagtal-wagtal derman ysgatmagyny dowam edýär* (B. Kerbabaýew).

**YSGAÝYŞ** [y:sğaýyş], *iş ady.* Ysgamak ýagdaýy.

**YSGYN** [ysğyn], *at.* Güýç, kuwwat, gurbat, mejal. *Men ysgyna gelip ýetişmedik ellerimi mejalsyz uzatdym* (T. Gurbanow).

◊ **Ysgyny gaçmak** güýji gitmek, halys ýadamak. *Ysgynym gaçyp gyşardym.*

**YSGYN-DERAMAT** [ysğyn-nera:mat], *at, ser.* **Ysgyn.**

◊ **Ysgyn-deramatyň gaçmak** ysgynyň gaçmak.

**YSGYN-RAGBAT** [ysğyn-yrağvat], *at.* Ysgyn, ysgyn-deramat, güýç-kuwwat.

**YSGYNSYZ** [ysğynsyz], *syp.* Ysgyny ýok, güýji, gurbaty gaçan, güýçsüz, kuwwatsyz. *Tokar gelnejesiniň ýüzüne göni seredip bilmän, ysgynsyz gepledi* (B. Kerbabaýew).

**YSGYNSYZLYK** [ysğynsyzlyk], *at.* Ysgyny ýokluk, ysgynsyz halda bolmaklyk. *Ýokanç keseller bilen kesellenenden soňky ysgynsyzlykda düýe çaly içilse, keselliniň gyzgyny peselip, kadaly ýagdaýyna barýar* (M. Abdyllaýew).

**YS-KOK** [y:s-kok], *at.* Ýakymly ýa-da ýakymsyz täsir edýän her hili ys. *Onuň burny ys-kok syzmady* (B. Kerbabaýew).

**YSLAM** [ysla:m], *at.* **1.** B. e. VII asyrynda Muhammet pygamber tarapyndan esaslandyrylan din. **2.** Oglana dakylýan at.

**YSLANDYRMAK** [y:slannyrmak], *işl.* Ys geler ýaly derejede dymyljatmak, zaýalamak, yslanmak katdyna ýetirmek.

**YSLANMAK** [y:slanmak], *işl.* Zaýalanmak, dymyljamak we ş.m. sebäpli ýakymsyz ys çykmak. *Mytaramdaky suw yslanypdyr* ("Görogly").

**YSLY** [y:sly], *syp.* Ýiti, mylaýym ýa-da ýaramaz ys berýän, kükeýän. *Derdiňe tenekar dag çeşmesiniň mylaýym kükürt ysly suwundan adamlaryň ählisi müňde bir razy* (T. Gurbanow).

**YSMA,** *iş ady.* Ysmak ýagdaýy.

**YSMAK,** *işl.* Hereket etmäge, gymyldamaga, iş etmäge ukyby bolmak. *Eliň ysmak.*

**YSMAKLYK,** *iş ady.* Ysmak ýagdaýy.

**YSMANAK,** *at.* Baýyrlyk, meýdan ýerlerinde ýaz aýlary gögerýän, kertik ýapraklary bişirilip iýilýän ot. *Sen ysmanak ýygmaga gitjegiňi aýtdyň* (A. Gowşudow).

**YSMAZ,** *at.* Bedeniň, onuň bir agzasynyň nerw-damar keseline uçramagy we ş.m. sebäpli hereket etmek ukybyndan mahrum bolan ýagdaýy.

**YSMAZLYK,** *iş ady.* Adamyn eli, aýagy, dili hereket edip bilmezlik, gymyldamazlyk. *Onuň kellesine çalarak gan ineli bäri sag eli ysanok.*

**YSNAT** [ysna:t], *at.***1.** Iş başarmaýan, sansyz. *Bu ysnat boýnuňa galar, Sen dek ýüzi gara bolmaz* ("Şasenem – Garyp"). **2.** Nalajedeýin, bigaýrat, bihepbe. *Tur, ysnat, beýdip masgara bolup ýatma!* (N. Baýramow).

**YSNYŞDYRMAK,** *işl.* Biri-birine öwrenişdirmek, biri-birine ýakyn, ýürekdeş etmek, dostlaşdyrmak. *Hoş söz adamy ysnyşdyrýar.*

**YSNYŞMAK,** *işl.* Biri-biriňe öwrenişmek, biri-biriňe ýakyn, ýürekdeş bolmak, dostlaşmak.

**YSNYŞYK,** *at.* Biri-biriňe bolan ýakynlyk, ýürekdeşlik, dostluk. *Ikisiniň arasyndaky ysnyşygy hiç zat bilen deňär ýaly däl.*

**YSNYŞYKLY,** *syp.* Biri-birine gatnaşygy ýakyn, biri-birine ýürekdeş, dostlukly.

**YSSY,** *at.* **1.** Howanyň gyzgyn ýagdaýy. *Gum depeleri gündiziň jöwzaly yssylaryndan soň agras dem alyp ýatyrdy* (B. Seýtäkow). **2.** *gepl.d.* Gyzgyn. *Ol ýeke dikraryny elini yssy suwa sokdurman, ese-boýa galdyrdy, adam edip ýetişdirdi.*

◊ **Yssyny-sowugy görmek** her hili kynçylygy, horlugy başdan geçirmek.

**YSSYLAMA,** *iş ady.* Yssylamak ýagdaýy.

**YSSYLAMAK,** *işl.* Yssynyň täsirini duýmak, yssy howa sebäpli bedeniň gyzmak. *Halmyrat birneme yssylap, penjegini çykaryp, eline alypdy* (A. Gurbanow).

**YSSYLAMAKLYK,** *iş ady.* Yssylamak ýagdaýy.

**YSSYLATMAK,** *işl.* Yssylar ýaly etmek, yssy, gyzgyn howanyň täsirini ýetirip kösemek. *Sen bizi kapasa ýaly jaýa salyp yssylatdyň!*

**YSSYLAÝYŞ,** *iş ady.* Yssylamak ýagdaýy.

**YSSYLYK,** *at.* Howanyň ýokary derejesindäki gyzgynlyk. *Salkyn kölegede, hatda jaýyň içinde-de yssylyk derejesi otuz dokuzy ýa-da kyrky görkezýärdi* (A. Gowşudow).

**YSTYHAN** [ystyha:n], *at.* **1.** *k.d.* Süňk, süýek. **2.** *anat.* Beden süňkleriniň biri-birine birleşen tutuş görnüşi.

**YSYRGA** [ysyrğa], *at, zergärç.* **1.** Aýal maşgalalaryň gulagyna dakynýan bezeg şaý-sepi, gulakhalka. **2.** *zergärç.* Bezeg üçin burna dakylýan tegelek kümüş ýa-da gyzyl şaý.

**YSYRGAMA** [y:syrğama], *iş ady.* Ysyrgamak ýagdaýy.

**YSYRGAMAK** [y:syrğamak], *işl.* Ys aljak bolup birnäçe gezek yzly-yzyna ysgamak.

**YSYRGAMAKLYK** [y:syrğamaklyk], *iş ady.* Ysyrgamak ýagdaýy.

**YSYRGANMAK** [y:syrğanmak], *işl.* **1.** Ys almak, bir zady ysgap, ysyny duýmak. *Dor alaşa çygly ýerden bir zat ysyrganyp, burnuny ýokaryk tutdy* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Bir zat hakynda syr biljek bolmak, syr aňjak bolmak. *Emma olar näçe ysyrgansalaram anyk bir zat aňlap bilmediler* (A. Gowşudow).

**YSYRGANYŞMAK** [y:syrğanyşmak], *işl.* **1.** Biri-birini köp gezek ysgamak (haýwanlar hakynda). *Şol mahal obadan getirilen itler ysyrganyşyp, ýerlerinden turdular* (A. Gowşudow). **2.** *göç. m.* Bir zat biljek, aňjak bolşup ýörmek. *Birnäçeleri bolsa, ýaňky küdeleriň içinden zat gözleýän ýaly ysyrganyşyp, aýlanyşyp ýördüler* (H. Derýaýew).

**YSYŞ,** *iş ady.* Ysmak ýagdaýy.

**YSYTMA,** *at.* Iniňi tikenekledip, üşedip, gyzgynyň ýokary galmagy bilen ýüze çykýan kesel, gyzzyrma. *Mergi, gyrgyn, mama, garahassalyk, ysytma ýaly ýokanç keselleriň soňuna çykyldy* ("Saglyk").

**YŞ,** *at.* **1.** Bir zat deşilmek, jaýrylmak, iki zadyň arasy açylmagy netijesinde emele gelýän yşgalaň. *Görse, ejesi daş çykanda gapy gowy ýapylman, yş galypdyr* (B. Annageldiýew). **2.** *gepl.d.* Bir işiň bitmegi üçin gerekli çykalga, azajyk esas. *Onuň umydy ymtylýan ýalňyz yşy galypdy* (T. Gurbanow).

**YŞALGA** [yşalga], *at, gepl.d., ser.* **Yş**. *Gözel tapdy yşalga, Garaňkyda dyrmanyp* (O. Täçnazarow).

**YŞANMA**, *iş ady.* Yşanmak ýagdaýy.

**YŞANMAK**, *işl., gepl.d., ser.* **Ynanmak.** *Meniň jigim yşansyn, Turup bilin guşansyn, Müň tümenlik aty bar, Duşman ondan üýşensin* (Hüwdi).

**YŞANMAKLYK,** *iş ady.* Birine ynanmak ýagdaýy.

**YŞANYŞ**, *iş ady.* Yşanmak ýagdaýy.

**YŞARAT** [yşa:rat], *at.* **1.** Içki duýgyňy aňlatmak üçin ýüz, göz, el we ş.m. bilen edilýän üm. *Gyz ikinji göwrä elin uzatdy, Serediň diýen dek yşarat etdi* (A. Kekilow). **2.** *gepl.d.* Ýigrenji, nejis (köplenç, gyzlar oglana sögenlerinde aýdýarlar). *Bar gid-ä, yşarat!* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Yşarat kylmak (etmek)** ümlemek. *Tagt üstünde maňa kyldy yşarat* (Magtymguly).

**YŞGALAŇ** [yşğalaň], *at, ser.* **Yş**. *Ýaňky ýerkümäniň bir ýerinde azrak yşgalaň galyp, şol ýerden gün düşen eken* ("Görogly").

**YŞGALAŇLY** [yşğalaňly], *syp., dil.b.* Süýkeş sesler ( *watan, wepa, wada, waharman* sözlerindäki [w] sesi tegelek yşgalaňly, *abraý, abat, abadan, oba* sözlerindäki *b* harpy bilen ýazylýan [v] sesi ýasy yşgalaňly çekimsizlerdir).

**YŞGYN** [yşğyn], *at.* Gumda bitýän tegelek hem ýasy ýaprakly ösümlik. *Türkmenler yşgyn bilen şatereňiň kököni çaý deregine-de içýär ekenler* (N. Esenmyradow).

**YŞK** [yşyk], *at.* Birine ýa-da bir zada bolan içki söýgi duýgusy, söýgi, mähir. *Yşk başga, höwes başga* (Nakyl). *Bir yşk düşse adam serne, Uky gaçyp, köňül urna* (Magtymguly).

◊ **Yşk hanjary** yşkyň, aşyklygyň, söýginiň täsirli, ýiti duýgusy. *Yşk hanjaryn tiz eýläp, Sen ýene hynzyr eýläp* (Magtymguly). **Yşk ody** yşkyň ýakyp barýan, janyňy alyp barýan ýiti täsiri . *Yşk oduna ýana-ýana, Köýer boldum ýar derdinden* ("Hüýrlukga – Hemra").

**YŞKY,** *syp.* Yşka degişli bolan (yşky-liriki eser hakynda). *Ol heniz ýaşajykka, köp yşky kitaplary agtaryp çykypdyr* ("Nesil").

**YŞNAKLANMAK,** *işl.* Açylmak, ýagtylmak, gelşigine gelmek (ýüz, göz, keşp hakynda). *Çaňjaran ýadaw ýüzi yşnaklandy* (B. Gurbanow).

**YŞNAKLY,** *syp.* Gelşikli, görmegeý, owadan. *Emma onuň gülümsireýän yşnakly gözlerinde üýtgeşik bir zat saýgarmady* (B. Kerbabaýew).

**YŞNAKSYZ,** *syp.* Görmeksiz, gelşiksiz, owadan däl.

**YŞRAMAK** [yşyramak], *işl., gepl.d.* Ýagtylyp gitmek, şöhle düşüp, ýagtylmak; gün çykyp, maýylganlyk aralaşmak. *Uzaga çeken gara gyşdan ýadan adamlar günüň yşraryna sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar.*

◊ **Dişin yşramak (yşramazlyk)** gowy gün görmek (görmezlik), hezil edip ýaşamak (ýaşamazlyk).

**YŞYK,** *at.* **1.** Ýagtylyk, şöhle. **2.** Daş-töwerege yş berýän ýagtylyk şöhlesi, çyra, ot. *Garaňky gijede örän alysdan görünýän ot yşyklary-da öçüşdi* (B. Gurbanow).

**YŞYKLAMA,** *iş ady.* Yşyklamak ýagdaýy.

**YŞYKLAMAK,** *işl.* Birine ýa-da bir zada ogrynça yşdan, yşgalaňdan we ş.m. seretmek, garamak, jyklamak. *Her haýsy yş tapan ýerinden yşyklaýardy* (A. Gowşudow).

**YŞYKLANDYRMAK** [yşyklannyrmak], *işl.* Çyra, yşyk we ş.m. bilen ýagtylandyrmak, tok çekmek. *Olaryň yşyklandyrýan meýdanlary has giňelýär* (B. Seýtäkow).

**YŞYKLANMAK,** *işl.* Yşyk bilen ýagtylmak.

**YŞYKLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup yşdan, yşykdan seretmek. *Olar işikden yşyklaşyp durdular.*

**YŞYKLATMAK,** *işl.* Birine yşdan, yşgalaňdan seretdirmek.

**YŞYKLY**, *syp.* Yşygy bolan.

**YTYGSAMAK** [ytyğsamak], *işl., ser.* **Tygsamak**.

**YZ** [y:z], *at.* **1.** Adamyň, haýwanyň, mör-möjekleriň aýagynyň we süýrenijileriň ýerde galdyrýan şekili, sudury. *Batgalygyň gyrasynda ýekegapanyň yzy bardy.* **2.** Bir zadyň täsiri netijesinde galan bellik, nyşan, çapyk. *Eşrebiň çep ýaňagyndaky ýaranyň çukur yzy-da häzir çala saýgarylýardy* (B. Kerbabaýew). **3.** Giňişlikde yzky, arka tarap. *Ol yzdan gelýärdi. Haýdap gelýän oglanjyk birden yzyna seretdi.* **4.** *göç.m.* Bir zatdan galan täsir. *Garaşsyzlygyň kalbymda galdyran yzy öçmez.* **5.** *göç.m.* Tohum-tiç, nesil. *Ogullynyň yzy ýitmez* (Atalar sözi). *Gyzy baryň özi bar, ogly baryň yzy bar* (Nakyl). *Ol goşundan dolanyp gelende, yzynyň sag-aman horlanman ýaşandygyny gördi* (B. Seýtäkow). **6**. Kömekçi sözüň hyzmatynda gelýär. *Agyzdan çykan sözüň yzyndan atly ýetip bilmersiň* (Nakyl).

◊ **Yz çalmak** yzyny yzarlamak, yzyny barlamak. *Öten kim bar, geçen kim bar, yz çalaly!* ("Görogly"). **Yz salmak** yz galdyrmak, ýöremek. *Ekiniň içinden yz salmaweri.* **Yzyna düşmek 1)** biriniň yzyndan ýöremek. **2)** birini yzarlamak, aňtamak, ýanamak. *Soňky wagtlarda ol onuň yzyna düşüp başlady.***3)** birini halap, göwün bermek, biriniň göwnüni almaga meýil etmek, birini söýüp, yzynda selpemek. *Ol bir gyzyň yzyna düşüp ýördi.* **Yzyna eýermek** birinden görelde almak, alyp barýan ýoluna uýmak. **Yzyna it salmak** masgara edip kowup goýbermek. **Yzynda durmak (durup bilmezlik)** hötde gelmek (gelmezlik), gaýratyň çatmak (çatmazlyk), başarmak (başarmazlyk). *Yzynda durup bilmejek bolsaň, hiç zady söz berme.* **Yzyňa ýel çalmanka gitmek** eglenmän, basym yzyňa dolanmak, gaýtmak.

**YZA** [yza:] **I.** *at.* **1.** Ýiti agyry. **2.** *göç.m.* Jebir, sütem, zulum, azap, azar. *Näçe gezsem, ýokdur dünýäň mazasy, Dildi bagrym aýralygyň yzasy* (Baýly şahyr).

**YZALY** [yza:ly], *syp.* Ýiti agyryly, azarly. *Çoh yzaly, dertli şirin janymga, Ýa mustafa pahry-jahan şypa ber* (Magtymguly).

**YZAN-ÇUWAN** [yza:n-çuwa:n], *hal, ser.* **Yzanda-çuwan**. *Göýä ýüregimden bir daş asylyp, Agram salýar, artyp barýar yzasy* (M. Seýidow).

**YZANDA-ÇUWAN** [yza:nna-çuwa:n], *hal.* Gykylyk, howsala, zenzele, gyk-bak, yzan-çuwan. *Çagalaryny yzanda-çuwan edip kowmak.*

**YZANDA-ÇUWANLYK** [yza:nna-çuwa:nlyk], *at.*Köpçülikleýin eňşeşik, köpçülikleýin agy sesi gelýän galagoply ýagdaý.*Onuň içinde turan apy-tupan, yzanda-çuwanlyk gara keçe ýaly bolup onuň depesini örtüpdi* (B. Seýtäkow).

**YZARLAMA** [y:zarlama], *iş ady.* Yzarlamak ýagdaýy.

**YZARLAMAK** [y:zarlamak], *işl.* **1.** Bir zadyň yzy bilen ony agtarmak, yzyny ýitirmän, tapjak bolmak, yz çalmak, yzlamak. *Gel, men şu yzy yzarlap gideýin* (N. Geldiýew). **2.** Biriniň yzyna düşmek, birini aňtamak, nirede näme iş edýändigini bilmäge synanyşmak; ýanamak. **3.** Bir zady barlamak, derňäp synag etmek, görmek. *Ol inçeden yzarlamagy gowy görýär* ("Edebiýat we sungat").

**YZARLAMAKLYK** [y:zarlamaklyk], *iş ady.* Yzarlamak ýagdaýy.

**YZARLAMAZLYK** [y:zarlamazlyk], *iş ady.* Yzarlamak işini amal etmezlik.

**YZARLANMAK** [y:zarlanmak], *işl.* Kimdir biriniň yzyna düşülmek, aňtalmak; ýanalmak. *Ol jenaýatçy köp wagt bäri yzarlanýardy.*

**YZARLAŞMAK** [y:zarlaşmak], *işl.* **1.** Yzarlamaga kömek etmek. **2.** Bilelikde yzarlamak. *Asyl adat yzarlaşsaň hem men haklydyryn* (B. Kerbabaýew).

**YZARLATMAK** [y:zarlatmak], *işl.* **1.** Yzyny, ugruny barlatmak. **2.** Biriniň yzyna düşürtmek, aňtatmak; ýanatmak.

**YZBA-YZ** [y:zva-y:z], *syp., ser.* **Yzly-yzyna**. *Hyrlylar yzba-yz atylýardy, duşman yzly-yzyna ýabysyndan, gatyryndan agyp düşýärdi* (A. Gowşudow).

**YZÇY** [y:zçy], *at.* Birini ýa-da bir haýwany yzy boýunça tapyp bilýän adam, yz çalyjy adam.

**YZÇYLYK** [y:zçylyk], *at.* Yzçynyň kesp-käri, ýagdaýy, yz çalyp bilijilik. *Çerkeziň kakasy Çarynyň ýeke awçylykdan bolman, yzçylykdan hem habary bardy* (B. Kerbabaýew).

**YZGAR** [yzğa:r], *at.* Toprakda, diwarda, jaýda we ş.m. emele gelýän çyg, nem. *Yzgar bilen ganan ýer, Gurakçylyk çekmezdi* (B. Kerbabaýew).

**YZGARLY** [yzğa:rly], *syp.* Nemli, çygly. *Gijeki ýagyşdan soň gün parlap çykany üçin, yzgarly ýerden ýukajyk bug göterilýärdi* (B. Kerbabaýew).

**YZGARLYLYK** [yzğa:rlylyk], *at.* Yzgarly bolmaklyk, yzgary barlyk.

**YZGARSYZ** [yzğa:rsyz], *syp.* Çygly däl, nem, yzgar çekmedik, yzgary bolmadyk, yzgary ýok.

**YZGARSYZLYK** [yzğa:rsyzlyk], *at.* Yzgary ýokluk, çygsyzlyk, nemsizlik.

**YZGYT** [yzğy:t], *at.* Mähir, mylakat. *Biz şu nadan, adam yzgydy bolmadyk biriniň yzyna düşüp, ölüme gitmelimi?* (N. Saryhanow).

**YZGYTSYZ** [yzğy:ssyz], *syp.* **1.** Gaharjaň, hyrsyz, ýakymsyz. *Ol mydama mylaýym, özünden kiçiler üçin bolsa hyrsyz we yzgytsyzdy* (G. Gurbansähedow). **2.** *göç.m.* Içiňden geçip barýan, ýalazy, gazaply (howa hakynda). *Gyşyň yzgytsyz günleriniň biridi.*

**YZGYTSYZLYK** [yzgy:ssyzlyk] *at.* **1.** Gaharjaňlyk, hyrsyzlyk, mylakatsyzlyk, ýakymsyzlyk. *– Indi menlik näme işiň bar? – diýip, ol yzgytsyzlyk bilen sorady* (T. Taganow). **2.** *göç.m.* Gazaplylyk, ýakymsyzlyk (howa hakynda).

**YZKY** [y:zky], *syp.* Yz tarapdaky, arka, art tarapky, soňundaky. *Ýaş çopan yzky iki atla ýüzlendi* (B. Seýtäkow).

**YZLAMAK** [y:zlamak], *işl., ser.* **Yzarlamak.** *Çandybilden yzlap gelen dildarym, Men seniň gözüňe gurban bolaýyn* ("Görogly"). *Hany, nirde, o ýyllaryň yzlary, Şol yzlary yzlap geldim, eý, obam!* (G. Ezizow).

**YZLAMAK**, *işl.* Zaryn ses etmek; eňremek, aglamak.

**YZLAMAZLYK** [y:zlamazlyk], *işl.* Yzlamak işini amal etmezlik.

**YZLAMAZLYK** [yzlamazlyk], *iş ady.* Yzlap durmazlyk, aglamazlyk.

**YZLANMAK** [y:zlanmak], *işl.* **1**. Biri ýa-da bir zat gözlenmek, agtarylmak. *– Indi bir halal talap yzlanaýsa gowy – diýip, Gurt hem alasarmyk gürrüň etdi* (A. Gowşudow). **2.** Galdyran yzy boýunça agtarylmak, aňtalmak.

**YZLAŞDYRMAK** [y:zlaşdyrmak], *işl.* Gözläp tapyşdyrmak, sorap-idäp gözleşdirmek.

**YZLAŞMAK** [y:zlaşmak], *işl.* **1**.Yzarlamaga kömekleşmek. **2.** Bilelikde yzarlamak.

**YZLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup bile yzlamak. *Tokar guzuly goýunlar, hol ýapydan tozan turzup, yzlaşyp geldiler* (H. Derýaýew).

**YZLAŞYK,** *at.* Yzan-çuwanlyk, eňşeşik. *Goýunlar uly yzlaşykdy, goşa tarap gaýtmajak bolýardy* (B. Annageldiýew).

**YZLATMAK** [y:zlatmak], *işl.* Geçilen, galan yzy barlatmak, gözletmek, agtartmak.

**YZLATMAK**, *işl.* Yzanda-çuwan etdirmek, aglatmak.

**YZLY-YZYNA** [y:zl(y)-y:zyna], *hal.* Biri-biriniň yzyndan, yzly-yzyndan, gaýta-gaýta. *Men yzly-yzyna birnäçe aýdym aýtdym* ("Edebiýat we sungat").

**YZSYZ** [y:ssyz], *syp.***1.** Yz-toz galdyrmadyk, yzy bolmadyk. **2.** Soňy, ahyry ýok.

**YZSYZ-TOZSUZ** [y:ssyz-to:ssuz], *syp.* Nam-nyşansyz, atsyz-sorsuz, dereksiz.

**YZ-TOZ** [y:z-to:z], *at.* Nam-nyşan, derek. *Yz-toz bildirmeýän çarkandak ýerden yzçynyň ys alýan ýaly timisgenip barmagyna Bally haýran galdy* (B. Kerbabaýew).

**YZYGIDERLI** [y:zyğiderli], *syp.* Biri-biriniň yzyndan bolup durýan, yzly-yzyna, üznüksiz, dowamly. *Önüm öndürýänler we telekeçiler yzygiderli höweslendiriler* (Gurbanguly

Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr).

**YZYGIDERLILIK** [y:zyğiderlilik], *at.* Biri-biriniň yzyndan gelýän ýagdaýda bolmaklyk, yzly-yzynalyk, üznüksizlik, dowamlylyk.

**YZYSÜRE** [y:zysürö], *hal.* Biriniň ýa-da bir zadyň, işiň, hereketiň we ş.m. yz ýanyndan, yzy bilen. *Äý, zyýany ýok, olaram geldi, senem yzysüre gelip ýetişdiň* (B. Seýtäkow).

**YZZAT,** *at.***1.** Hormat, sylag, hezzet, gadyr. **2.** Oglana dakylýan at.

◊ **Yzzat etmek (eýlemek)** hormatlamak, sylamak, hormat etmek, hezzet etmek.

**YZZATLY,** *syp.* Hormatly, abraýly, hezzetli, gadyrly.

# Ý

**Ý,** Türkmen elipbiýiniň ýigrimi dokuzynjy harpy.

**ÝA** [ýa:] **I**, Aýdylýan zadyň haýsy-da bolsa biriniň boljakdygyny, ikuçlulygy görkezýän baglaýjy. *Ýa başyn biýr, ýa baş alar, Goç ýigit ýoldaş üstünde* (Magtymguly).

◊ **Ýa demrinden, ýa kömründen** haýsy-da bolsa birinden, ikiden biri. **Ýa haýyr, ýa şer** haýsy hem bolsa biri – ýa gowulyk, ýa erbetlik.

**ÝA** [ýa:] **II**, Keramatly, gudratly güýçlere ýüzlenmekde ulanylýan ümlük. *Ýa reb, maksadyma haçan ýeter men?* ("Zöhre – Tahyr"). *Ýa yklym eýesi, Ahmet Ýasawy, Meniň sahypjemalymny gördüňmi?* (Magtymguly).

**ÝABA** [ýa:va], *at.***1.** Köplenç, telpek ýaly zatlar asyp goýmak üçin iç işikde ýa-da daş işikde dikilip goýlan haçjaly agaç. *Birden bolsa edil işikdäki ýabadan asylgy duran haltalarynyň biriniň ýokdugyna Zybanyň gözi düşdi* (Ý. Mämmediýew). **2.** Ýandak ýyglanda, düýbüne diräp iter ýaly ujy haçjaly taýak. *Ol ýandak ýygmak üçin dört-bäş sany ýaba taýýarlady-da, oglanlary yzyna tirkäp, ýandaklyga tarap ugrady.*

**ÝABAK** [ýa:vak], *at.* Ot-çöp, ýandak we ş.m. zatlary üýşürmek, götermek üçin ulanylýan birnäçe dişli, uzyn saply gural, çarşak. *Garbap aldym dulda ýatan Poslap giden ýabagymy* (K. Gurbannepesow).

**ÝABALYK** [ýa:valyk], *syp.* Ýaba etmäge ýaramly. *Ýabalyk agaç.*

**ÝABAN** [ýa:van], *at.* Meýdan, çöl. *Söwdügim ýabanda galmyş, Bile ýanaly zarlanyp* ("Leýli – Mejnun").

◊ **Ýabana gitmek** aýak ýoluna gitmek. **Ýaban ýatmak** başga ýerde ýatmak, gijesine öýüňde ýatmazlyk. *Meniň känbir ýaban ýatarym bolmazdy* (A. Gurbanow).

**ÝABANTOWUK** [ýa:vantowuk], *at.* Sülgün.

**ÝABANY** [ýa:vany], *syp.* **1.** Öý, adam bilen öwrenişmedik, meýdanda erkin ýaşap ýören (haýwanlar, guşlar hakynda). **2.** Ösdürilip ýetişdirilmedik, ekilmedik, özi gögerip ösen (ösümlik hakynda). *Ir-iýmişli ösümlikleriň ýabany bitýänleriniň-de sany ýok. Ýabany üzüm. Ýabany alma.*

**ÝABANYLAŞMA** [ýa:vanylaşma], *iş ady.* Ýabanylaşmak ýagdaýy.

**ÝABANYLAŞMAK** [ýa:vanylaşmak], *işl.* Ýabany bolup gitmek, ýabany hala öwrülmek.

**ÝABANYLAŞMAZLYK** [ýa:vanylaşmazlyk], *iş ady.* Ýabany bolup gitmezlik.

**ÝABANYLAŞYŞ** [ýa:vanylaşyş], *iş ady.* Ýabanylaşmak ýagdaýy.

**ÝABANYLYK** [ýa:vanylyk], *at.* Ýabany halda bolmaklyk.

**ÝABŞYRDYLMAK** [ýavşyrdylmak], *işl.* Ýabşyrmak işi başga birine etdirilmek.

**ÝABŞYRMA** [ýavşyrma],**1.** *iş ady.* Ýabşyrmak ýagdaýy. **2.** *at.* Biçilen geýimiň bölekleriniň iki gyraň tarapyny deňräk tutup depjäp, gyrasyny içine epip tikmegiň bir görnüşi.

**ÝABŞYRMAK** [ýavşyrmak], *işl.* **1.** Ýabşyrma tikini bilen tikmek, gyrasyny içine epläp tikmek. *Köýnegiň etegini ýabşyrmak.* **2.** Ýelmemek. *Nyşana alynjak derileri gaýanyň ýüzüne ýabşyryp goýupdyrlar.*

**ÝABŞYRMAKLYK** [ýavşyrmaklyk], *iş ady.* Ýabşyrmak işi, ýagdaýy.

**ÝABŞYRMAZLYK** [ýavşyrmazlyk], *iş ady.* Ýabşyrmak işini etmezlik.

**ÝABŞYRTMAK** [ýavşyrtmak], *işl.* Ýabşyrmak işini başga birine etdirmek. *Köýnegiň ýanyny ýabşyrtmak.*

**ÝABŞYRYBERMEK** [ýavşyryvermek], *işl.* Ýabşyrmaga başlamak; ýabşyrmagy dowam etdirmek.

**ÝABŞYRYLMAK** [ýavşyrylmak], *işl.* Ýabşyrma tikini bilen tikilmek.

**ÝABŞYRYŞ** [ýavşyryş], *iş ady.* Ýabşyrmak ýagdaýy.

**ÝABŞYRYŞMAK** [ýavşyryşmak], *işl.* **1.** Ýabşyrmaga kömek bermek. **2.** Birnäçe bolup ýabşyrmak.

**ÝABŞYRYŞDYRMAK** [ýavşyryşdyrmak], *işl.* Bir ýanyndan ýabşyryp çykmak; ýabşyrmaly ýerlerini ýabşyrmak.

**ÝABY** [ýavy], *at.* Iş, ulag maly hökmünde ulanylýan iri öý haýwany, gylýal. *Ýaby loňkuldamaga başlady* (A. Durdyýew).

**ÝABYGORLY** [ýavyğorly], *syp.* Bolmalysyndan pes, ýaramaz, gowşak, ugursyz, ýagdaýly. *Aý, ýok, gözleýşiňiz ýabygorludyr.*

**ÝADABERMEK** [ýa:da:vermek], *işl.* Ýadap ugramak.

**ÝA-DA** [ýa:-da], *bagl., ser.* **Ýa 1.** *Ýa men baraýyn, ýa-da sen gel.*

**ÝADAGAN** [ýa:dağan], *syp.* Çalt ýadaýan.

**ÝADAGYÇ** [ýa:dağyç], *syp.* Basym-basymdan ýadaýan, ýadagan. *Köp münülmeýän at ýadagyç bolýar.*

**ÝADALMAK** [ýa:dalmak], *işl.* Köp işläp, ýöräp güýç-kuwwatdan gaçmak, armak. *Işleseň ýadalýan wagtlary-da bolýar.*

**ÝADAMA** [ýa:dama], *iş ady.* Ýadamak ýagdaýy. *Onuň işden ýadamasy ýok.*

**ÝADAMADYKSYRAMAK** [ýa:damadyksyramak], *işl.* Ýadasa-da,ýadamadyk bolmak.

**ÝADAMAK** [ýa:damak], *işl.* **1.** Köp işläp, ýöräp, güýç-kuwwatdan gaçmak, ýadaw, argyn halda bolmak, armak. *Magtymguly ertirden bäri körügiň başyndan aýrylman, işläp oturanlygy üçin gaty ýadapdy* (T. Taganow). **2.** *göç.m.* Bizar bolmak, irmek, ýürege düşmek. *Şu bolgusyz igençlerden ýadapdyryn.*

◊ **Ýadan bolmak** ýadamasa-da, özüni ýadan şekilde görkezjek bolmak. *Az işlejek bolup, ýadan bolup oturma.*

**ÝADAMAKLYK** [ýa:damaklyk], *iş ady.* Ýadamak ýagdaýy.

**ÝADAMAZAK** [ýa:damazak], *syp.* Ýadawlygy duýmaýan, ýadamaýan, armazak, irmezek. *Ýadamazak ýigit.*

**ÝADAMAZLYK** [ýa:damazlyk], *iş ady.* Ýadaman ýörmek, ýadaman işlemek.

**ÝADAŇKYRLAMAK** [ýa:daňkyrlamak], *işl.* Çalarak ýadamak, ýadap ugramak.

**ÝADAŞMAK** [ýa:daşmak], *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan ýadamak (birnäçe adam hakynda). *Adamlar ýadaşypdylar.*

**ÝADATMAK** [ýa:datmak], *işl.* **1.** Birini köp işledip, güýç-kuwwatdan aýyrmak, ýadaw, argyn hala salmak. **2.** *göç.m.* Bizar etmek, irizmek, ýüregine düşmek. *Ejesiniň soraglary Myrady bir ýandan ýadatsa, ikinji ýandan onuň agyr oýuny güýçlendirýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝADATMAZLYK** [ýa:datmazlyk], *iş ady.* Ýadamagyna sebäp bolmazlyk; ýadamak katdyna ýetirmezlik. *Kitabyň ýadatmazlygy mazmunyna, gyzyklylygyna bagly.*

**ÝADAW** [ýa:dow], *syp.* Köp işländigi sebäpli ýadan, argyn. *Garry awçy örän ýadaw gelipdi* (B. Gurbanow).

**ÝADAWLYK** [ýa:dowluk], *at.* Ýadaw halda bolmaklyk. *Iki günüň ýadawlygy.*

**ÝADAWRAK** [ýa:dowra:k], *syp.* Birneme ýadaw.

**ÝADAWSYZ** [ýa:dowsuz], *syp.* Irmän-arman, ýadaman, irginsiz. *Ýadawsyz zähmet çekmek.*

**ÝADAWSYZLYK** [ýa:dowsuzluk], *at.* Ýadaw dällik, ýadaw bolmazlyk.

**ÝADAÝYŞ** [ýa:daýyş], *iş ady.* Ýadamak ýagdaýy.

**ÝADYGÄR** [ýa:dyğä:r], *at, ser.* **Ýadygärlik 1, 2.** *Taraşlap şaglatgyn könle geleniň, Senden soňkulara ýadygär bolar* (Magtymguly). *Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär, Dünýäň kitabynda onuň ady bar* (G. Seýitliýew).

**ÝADYGÄRLIK** [ýa:dyğä:rlik], *at.* **1.**Ýatdan çykarmazlyk üçin, ýatlap durar ýaly birine berlen zat, galan nyşan. *Ýadygärlik berlen surat.* **2.** Biriniň ýa-da bir zadyň hatyrasyna bina edilen, dikeldilen bina, heýkel. *Ýunus Emräniň ýadygärligi.* **3.** Gadymy medeniýetiň yzlary, galyndylary, häzirki wagta çenli saklanyp galan binalary. *Türkmen topragy gadymy ýadygärlikleriň mesgenidir* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk).

**ÝADYRGABERMEK** [ýa:dyrğa:vermek], *işl.* Ýadyrgap başlamak.

**ÝADYRGAMA** [ýa:dyrğama], *iş ady.* Ýadyrgamak ýagdaýy.

**ÝADYRGAMAK** [ýa:dyrğamak], *işl.* Ýat adamlaryň arasynda ýa-da nätanyş ýerde çekinjeňlik etmek. *Onuň bolup durşy ýadyrgaýan adamyň görnüşindedi* (B. Soltannyýazow).

**ÝADYRGAMAKLYK** [ýa:dyrğamaklyk], *iş ady.* Ýadyrgamak ýagdaýy.

**ÝADYRGANMAK** [ýa:dyrğanmak], *işl., ser.* **Ýadyrgamak.**

**ÝADYRGAŞMAK** [ýa:dyrğaşmak], *işl.* Birnäçe adam bolup ýadyrgap durmak.

**ÝADYRGAÝYŞ** [ýa:dyrğaýyş], *iş ady.* Ýadyrgamak ýagdaýy.

**ÝAG** [ýa:ğ], *at.* **1.** Käbir haýwanlardan, ösümliklerden alynýan azyk önümi. *Gury sözden palaw bolmaz, ýag bilen tüwüsi bolmasa* (Nakyl). **2.** Maşynlar we enjamlar üçin ulanylýan suwuk madda. **3.** *gepl.d.* Nebit; kerosin. *Çyranyň ýagy. Ine, çyrasyna ýag damdy, indi ol senden öýkelemez – diýip ýylgyrdy* (B.Gurbanow).

◊ **Ýagdan gyl sogran ýaly etmek** hiç kime bildirmän, duýdurman almak, çykarmak, hereket etmek. **Ýag düşmek** ýanlykda gatyk ýaýylanda ýag peýda bolmak. **Ýag guýup ýalap oturmaly** arassa, tämiz. **Ýag iýip, ýalaňaç ýatmak** mätäçlik çekmän ýaşamak, hiç zady azar edinmezlik. **Ýag iýip, ýüpek geýmek** bolelinlikde ýaşamak, eliň uzadan ýeriňe ýetmek. *Ýag iýip, ýüpek geýerin diýseň, yhlas bilen zähmet çekmeli.* **Ýag ýaly adam** mylaýym sözli, mylakatly adam.

**ÝAGDAN** [ýa:ğda:n], *at.* Ýag guýmak üçin niýetlenen gap, ýag salynýan gap, ýag gaby.

**ÝAGDAÝ** [ýağdaý], *at.* **1.** Biriniň, bir zadyň boluş, ýaşaýyş derejesi, hal-ahwal. **2.** Jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklaryň jemi, jemgyýetçilik durmuşynyň barşy. *Halkara gatnaşyklarymyzyň ýagdaýy.* **3.** Pursat, maý, wagt. *Indi bolsa ýagdaý düýbünden başgaçady* (Ş. Borjakow). **4.** Adamyň beden, ruhy taýdan mümkinçilikleri. *Işlemäge ýagdaýym bar.* **5.** Ýaşaýyş, durmuş akymynda döreýän şert.

**ÝAGDAÝBAP** [ýağdaýva:p], *syp.gepl.* Ýagdaýa düşünýän, ýagdaýa görä hereket edýän. *Görsek, bir ýagdaýbap adam ekeni.*

**ÝAGDAÝLAŞMA** [ýağdaýlaşma], *iş ady.* Ýagdaýlaşmak ýagdaýy. *El kömegi gerek bolanda, ýegeniniň ýagdaýlaşmasy bardy.*

**ÝAGDAÝLAŞMAK** [ýağdaýlaşmak], *işl.* Ýagdaýa görä hereket etmek, ýagdaýa seredibräk iş görmek, eglişik etmek. *Ol işden galmajak bolýardy, ýolbaşçylaram onuň bilen ýagdaýlaşýardy.*

**ÝAGDAÝLAŞMAKLYK** [ýağdaýlaşmaklyk], *iş ady.* Ýagdaýlaşmak ýagdaýy.

**ÝAGDAÝLAŞYŞ** [ýağdaýlaşyş], *iş ady.* Ýagdaýlaşmak ýagdaýy. *Onuň ýagdaýlaşyşy şeýle: gerek bolanda, ogullary bilen gelip kömekleşýär.*

**ÝAGDAÝLY** [ýağdaýly], *syp.* **1.** Onçakly ýeterlik däl, ýeter-ýetmez, azrak; hakyky bolmalysyndan pes. *Gün-güzeranlary hem ýagdaýly.* **2.** *ser.* **Ýabygorly.** *Hasyly köpeltmek üçin gören çäreleriňizi ýagdaýly hasap edýän bolsaňyz, günübirin aladasyny etmeli.*

**ÝAGDAÝSYZ** [ýağdaýsyz], *syp.* Mümkinçiligi bolmadyk, ýagdaýy ýok.

**ÝAGDAÝSYZLYK** [ýağdaýsyzlyk], *at.* Ýagdaýy ýokluk, ýagdaýsyz bolmaklyk.

**ÝAGDYRMAK** [ýağdyrmak], *işl.* **1.** Ýagar ýaly etmek. *Emeli ýagyş ýagdyrmak.* **2.** Yzly-yzyna zyňmak, yzyny üzmän keseklemek. *Öňünden taýynlanyp duran ýaş-ýeleňler atbaşçylaryň üstüne kesek ýagdyrdylar* (B. Kerbabaýew). **3.***göç.m.* Ýerli-ýerden seslenmek, gygyryşmak. *Sorag baryny ýagdyrdylar.*

**ÝAGDYRTMAK** [ýağdyrtmak], *işl.* Ýagmagyna getirmek, ýagmagyna sebäp bolmak.

**ÝAGDYRYLMAK** [ýağdyrylmak], *işl.* **1.** Ýagmaga başladylmak, ýagar ýaly edilmek. *Ekinlere suw endigan ýeter ýaly, meýdanlaryň içinden turba bilen getirilip, ýagyş ýaly ýagdyryldy.* **2.** Yzly-yzyna zyňylmak.

**ÝAGDYRYLYŞMAK** [ýağdyrlyşmak], *işl.* Ýerli-ýerden ýagdyrylmak.

**ÝAGJARMA** [ýa:ğjarma], *iş ady.* Ýagjarmak ýagdaýy.

**ÝAGJARMAK** [ýa:ğjarmak], *işl.* Ýagy çykyp durmak, ýag ýokundysy bolmak. *Süzme haltanyň daşy ýagjaryp dur.*

**ÝAGJARMAZLYK** [ýa:ğjarmazlyk], *iş ady.* Ýagjaryp durmazlyk.

**ÝAGJARTDYRMAK** [ýa:ğjartdyrmak], *işl., ser.* **Ýagjartmak.**

**ÝAGJARTMAK** [ýa:ğjartmak], *işl.* Ýagjarar ýaly etmek, ýüzüne çykyp duran ýag ýokundysyny aýyrman goýmak.

**ÝAGJYMAK** [ýa:ğjymak], *syp.* Ýagjaryp duran, ýagy çykyp duran, ýag siňen. *Bu sabyn ýagjymak ýüzli adamlara peýdaly. Onuň ýüzi edil çirtibermeli bolup, ýagjymak ýaňaklaryndan gan görünýärdi* (B.Kerbabaýew).

◊ **Ýagjymak ses** örän mylaýym, asuda ses. *Onuň ýagjymak sesi bardy.*

**ÝAGLABERMEK** [ýa:ğla:vermek], *işl.* Ýaglap başlamak; ýaglamagy dowam etdirmek.

**ÝAGLAK** [ýa:ğlak], *syp., ser.* **Ýagly.**

**ÝAGLAMA** [ýa:ğlama], *iş ady.* Ýaglamak ýagdaýy. *Maşynlaryň enjamlaryny ýaglama.*

**ÝAGLAMAK** [ýa:ğlamak] **I**, *işl.* **1.** Enjamyň, guralyň we ş.m. böleklerine ýag çalmak. *Tigriň okuny ýaglamak.* **2.** Ýag çalyp arassalamak, ýag çalyp ýalpyldatmak. *Ädigi ýaglamak.* **3.** Bir ýeriňe ýag degirmek. *Penjegiňi ýaglapsyň, seresap bolaýmazlarmy?*

**ÝAGLAMAK** [ýa:ğlamak] **II**, *işl.* Pyçak we ş.m. zat bilen eýlenmeli deriniň ýagyny aýyrmak. *Derini ýaglap eýlemeli.*

**ÝAGLAMAKLYK** [ýa:ğlamaklyk], *iş ady.* Ýaglamak ýagdaýy.

**ÝAGLAMAZLYK** [ýa:ğlamazlyk], *iş ady.***1.** Ýaglamak işini etmezlik. **2.** Bir ýeriňe ýag degirmezlik; ýag çalmazlyk. *Üsti-başyňy ýaglaýmagyn.*

**ÝAGLANMAK** [ýa:ğlanmak], *işl.* **1.** Ýag çalynmak. *Ädik ýaglandy.* **2.** Ýagy aýrylmak. *Deri ýaglandy.*

**ÝAGLAŞDYRMAK** [ýa:ğlaşdyrmak], *işl.* Bir ýan ujundan ýaglap çykmak. *Olar arabalarynyň tigirlerini ýaglaşdyrýarlar.*

**ÝAGLAŞDYRYLMAK** [ýa:ğlaşdyrylmak], *işl.* Bir ýan ujundan ýaglanyp çykylmak, hemmesi ýaglanmak.

**ÝAGLAŞMAK** [ýa:ğlaşmak] **I**, *işl.* **1.** Ýaglamaga kömek etmek. **2.** Bilelikde ýaglamak. *Oglanlar tigriň topuny ýaglaşyp otyrdylar.*

**ÝAGLAŞMAK** [ýa:ğlaşmak] **II**, *işl.* Deriniň ýagyny gyryp aýryşmak. *Deri ýaglaşmak.*

**ÝAGLATDYRMAK** [ýa:ğlatdyrmak] **I**, *işl., ser.* **Ýaglatmak.**

**ÝAGLATDYRMAK** [ýa:ğlatdyrmak] **II**, *işl.*

Deriniň ýagyny gyrdyryp aýyrtdyrmak. *Derini ýaglatdyrmak.*

**ÝAGLATMAK** [ýa:ğlatmak], *işl.* Ýaglamak işini başga birine etdirmek (*ýaglamak* işliginiň **1**-nji, **2**-nji manylary boýunça). *Tigriň topuny ýaglatdym. Köwşi ýaglatmak. Derini ýaglatmak.*

**ÝAGLAW** [ýa:ğlow], *at.* Pyçagyň tygynyň sapa birigýän ýeriniň iki gapdalyndaky ýasy tokga demir. *Pyçagyň ýaglawy.*

**ÝAGLAÝYŞ** [ýa:ğlaýyş], *iş ady.* Ýaglamak ýagdaýy.

**ÝAGLY** [ýa:ğly], *syp.* **1.** Ýagy köp. *Ýagly et.* **2.** Ýaga bişirilen, ýag goşulan, ýag çalnan. *Ýagly çörek.*

◊ **Eli ýagly(ja)** jübüsi pulluja. *Eliň ýaglyja bolmasa, käbir adamlar ýüzüňe seredýärmi näme?*

**ÝAGLYJA** [ýa:ğlyja], *at. ösüml.* Dagda bitýän gyrymsy ösümlik.

**ÝAGLYK** [ýa:ğlyk], *at.* Köplenç, kellä daňmak, başa atmak we ş.m. üçin ulanylýan dürli ululykdaky gülli dörtburç mata. *Gelniň başyna ýüň ýaglyk atdylar. Köne ýaglygyny atyp başyna, çykdy gahrymanym tamyň daşyna* (A.Kekilow).

◊ **Ýaglyga towusmak** adam boýundan has ýokarda asylgy ýaglygy (baýragy) böküp almak bilen bagly milli toý oýny. *Milli oýunlarymyz bolan göreş,*

*at çapmak, ýaglyga towusmak adamlaryň saglygyny mäkämlendirýär* ("Edebiýat we sungat").

**ÝAGLYPETIR** [ýa:ğlypeti:r], *at.* Ýaýylan hamyra ýag çalnyp ýasalýan petir çörek, gatlama petir. *Ýagly petirden dograma edýäris.*

**ÝAGLY-ÝÜZLI** [ýa:ğly-ýüzlü], *at.* Içine et-ýag atylyp bişirilen nahar. *Indi ol bir hepdeden bäri ýagly-ýüzliniň garasyny görmändi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝAGMA** [ýağma] **I,** *iş ady.* Ýagmak ýagdaýy.

**ÝAGMA** [ýağma] **II,** *at, kön.s.* Çapawul, alaman.

**ÝAGMAK** [ýağmak], *işl.* **1.** Sepelenip ýere düşmek, guýulmak, dökülmek (ýagyş, gar, doly hakynda). *Ýagşyň tüýs gerek wagtynda ýagyp durmagy göwünleri galkyndyrdy.* **2.** *göç.m.* Yzly-yzyna, yzy üzülmän gelmek. *Eli açyk, güler ýüzli, döwletli ýigidiň öýüne çar tarapdan myhman ýagýardy.* **3.** Yzy üzülmän zyňylmak, atylmak (kesek, daş, ok we ş.m. hakynda). *Söweş barýan ýerde asmandan doly ýaly bolup ok ýagýardy.*

◊ **Ýüzünden gar ýagmak** – ser. **Ýüz.** *Berdi aganyň ýüzünden gar ýagýar, serederligi ýok* (A.Durdyýew).

**ÝAGMAKLYK** [ýağmaklyk], *iş ady.* Ýagmak ýagdaýy.

**ÝAGMALAMAK** [ýağmalamak], *işl.* Çalarak ýagyp durmak, bir çisňäp, bir goýup ýagmak. *Ýagyş ýagmalap dur.*

**ÝAGMEŞIK** [ýa:ğmeşik], *at.* Ýag guýmak üçin geçi derisinden ýörite taýýarlanan gap.

**ÝAGMYR** [ýağmyr], *at.* **1.** *ser.* **Ýagyş.** *Rehim eýleýip, ýagmyr ýagdyr, soltanym* (Magtymguly). *Gara daşam wagtyň geçmegi bilen, Üýtgeýär ýagmyryň, ýeliň güýjünden* (Ş. Borjakow). **2.** Oglana dakylýan at.

**ÝAGMYRLY** [ýağmyrly], *syp., ser.* **Ýagyşly.** *Ýagmyrly gün.*

**ÝAGNY** [ýağny], Özünden öň gelýän sözlemi ýa sözi anyklamak ýa-da düşünikli etmek, aýdyňlaşdyrmak üçin ulanylýan baglaýjy.

**ÝAGŞY** [ýağşy], *syp.* **1.** Göwne ýakymly, oňat, gowy. *Ýagşy söz ýylany hinden çykarar* (Nakyl). **2.** Mazaly, düýpli, doly, ýeterlik derejede bolan. *Ýagşy dynç almak.* **3.** "Bolýar; hoş" diýen manyda ulanylýan giriş sözi. *Ýagşy onda, sag-aman oturyň!* **4.** Oglana dakylýan at.

◊ **Ýagşy gününe şärik** biriniň şatlygyna, gowy durmuşyna begenip aýdylýan aňlatma. *Biz-ä seniň ýagşy gününe şärik, Bagtyň üçin bolsun diýýäs tutaryk* (Ç. Gurbangylyjow).

**ÝAGŞYDAN-ÝAMANDAN** [ýağşydan-ýamannan], *syp.* Hiç hili, ne ýagşy, ne-de ýaman. *Wepa hakynda ýagşydan-ýamandan bir agyz söz hem aýtmady* (A. Gowşudow).

**ÝAGŞYLANDYRMAK** [ýağşylannyrmak], *işl.* Ýagdaýyny, hilini oňatlaşdyrmak, oňat hilli etmek, gowulandyrmak. *Tebibiň beren emi nähoşy birneme ýagşylandyrdy.*

**ÝAGŞYLANMAK** [ýağşylanmak], *işl.* **1.** Hil taýdan gowulanmak, oňat hilli bolmak, oňatlanmak. **2.** Daýanmak, ýagdaýy gowulanmak, bäri bakmak. *Syrkawyň haly ýagşylanýar.*

**ÝAGŞYLAŞMAK** [ýağşylaşmak], *işl.* **1.** Birneme gowulaşmak, hil taýdan oňatlaşmak. **2.** Birneme daýanmak, ýagdaýy gowulanmak, bäri bakmak. *Ýazgül hem gün-günden ýagşylaşyp, aýak üstüne galdy* (N. Pomma).

**ÝAGŞYLYK** [ýağşylyk], *at.* **1.** Tüýs ýürekden edilýän ýardam; rehimlilik bilen edilýän goldaw. *Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir* (Nakyl). *Ol eden ýagşylygyňyz ýadymdan çykýan däldir* (B. Pürliýew). **2.** Oňat gylyklylyk, gowy häsiýetlilik, paýhaslylyk, asyllylyk, gowulyk, gowy niýetlilik. *Ýagşylykda ile özün tanadan, Alkyş alyp, derejesi zor bolar* (Magtymguly).

◊ **Ýagşylyk ýüzüni görmezlik** ýamanlykdan, bagtsyzlykdan gözüň açylmazlyk, edeniň ugur almazlyk. **Elim ýagşylyga** ejir çekeniň zyýan gören ýeri özünde ýa-da başga biriniň bedeninde el bilen görkezilende aýdylýan aňlatma.

**ÝAGŞYZADA** [ýağşyza:da], *at.* Adamlar üçin jan çekýän, olara ýagşylyk edýän sylagly-hormatly, keramatly adam. *Ýagşyzadalar ýoldaşyňyz bolsun!* (Dileg).

**ÝAGTY** [ýağty] **I,** *at.* **1.** Daş-töweregi, älemi gözüň bilen aýyl-saýyl görmäge mümkinçilik berýän tebigy ýa-da emeli şöhle. *Aýyň ýagtysy. Şemiň ýagtysy.* **2.** Köp şöhle düşýän, şöhleli. *Jaýyň içi örän ýagtydyr. Ýüzüňi ýagta tutmak. Ýagtyda oturyp, kitap okamak.* **3.** *göç.m.* Şatlykly, bagtly, azat. *Biziň ilimiz ýagty durmuşda ýaşaýar.*

◊ **Ýagty güne çykmak 1)** azat bolmak, azatlyga çykmak, gowy ýaşap başlamak. **2)** çagany sag-aman dünýä indermek. **Ýagty jahan** şu dünýä; ýeriň ýüzi, häzirki ýaşaýyş, durmuş. *Bu ýagty jahana bermenem seni* ("Saýatly – Hemra").

**ÝAGTYGÖZIN** [ýağtyğözüýn], *hal.* Gün ýaşmanka, irgözin, garaňky düşmänkä. – *Hawa, oglum, Öwez, ynha, indi bir ýigit çeni bolduň, sür, ýagtygözin beýik daglardan aşaly – diýdi* ("Görogly").

**ÝAGTYGÖZINDEN** [ýağtyğözüýnnön], *hal, ser.* **Ýagtygözin**.

**ÝAGTYLANDYRMAK** [ýağtylannyrmak], *işl.* Ýagty etmek, ýagtyltmak, öňki ýagdaýyndan köpräk ýşyk bermek, ýşyklandyrmak. *Häzirki zaman çyralary gijeki şäheri gündizlik ýaly ýagtylandyrýar.*

**ÝAGTYLANDYRYLMAK** [ýağtylannyrylmak], *işl.* Ýagty edilmek, ýşyklandyrylmak. *Ozalky garaňky köçeler ýagtylandyryldy.*

**ÝAGTYLANDYRYŞMAK** [ýağtylannyryşmak], *işl.* Ýagtylandyrmaga kömek etmek; bilelikde ýagtylandyrmak.

**ÝAGTYLANMA** [ýağtylanma], *iş ady.* Ýagtylanmak ýagdaýy.

**ÝAGTYLANMAK** [ýağtylanmak], *işl.* Ýagty bolmak, ýagtysy artmak, ýşyklanmak; ýagtysy güýçlenmek. *Aýyň nurunyň barha ýagtylanmagy*

*bilen ürgün çägeligiň üstüne kümüş gyryndysy sepelenen ýaly bolupdy* (B. Seýtäkow).

**ÝAGTYLANYŞ** [ýağtylanyş], *iş ady.* Ýagtylanmak ýagdaýy.

**ÝAGTYLMA** [ýağtylma], *iş ady.* Ýagtylmak ýagdaýy.

**ÝAGTYLMAK** [ýağtylmak], *işl.* **1.** Ýagty bolup ugramak, ýagty ýaýrap başlamak, kem-kemden ýagty bolup başlamak; agarmak. *Daň atyp, jahan ýagtylyp başlady.* **2.** *göç.m.* Şähdi açylmak, ýüzünde gaýgy-gam, alada-ünji aýrylyp, şatlyk, ruhubelentlik alamaty döremek. *Gyzyň ýüzi ýagtylyp gitdi.*

**ÝAGTYLMAKLYK** [ýağtylmaklyk], *iş ady.* Ýagtylmak ýagdaýy.

**ÝAGTYLTMAK** [ýağtyltmak], *işl.* Ýagty bolar ýaly etmek. *Daşyna ak mermer çekilmegi jaýlarymyzyň ýüzüni ýagtyltdy.*

**ÝAGTYLYBERMEK** [ýağtylyvermek], *iєl.*Ýagtylyp başlamak, ýagtylyp ugramak. *Howa ýagtylyberende ýola düşdüler.*

**ÝAGTYLYK** [ýağtylyk], *at.* **1.** Şöhle, yşyk. *Halal lukma ýagtylyk biýr gözlere* (Magtymguly). **2.** *göç.m.* Şähdaçyklyk, ruhubelentlik. *Adamlaryň ýüzlerinde bir hili ýagtylyk peýda boldy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýagtylyga çykmak** azatlyga çykmak, ajaýyp, azat durmuşda ýaşap başlamak.

**ÝAGTYLYŞ** [ýağtylyş], *iş ady.* Ýagtylmak ýagdaýy.

**ÝAGY** [ýağy], *at.* **1.** Duşman, ýow. **2.** *göç.m.* Azar, alada.

◊ **Ýaga depjek ýaly bolmak** näbelet bir işiňe girişmekden, tanamaýan adamyňa haýyş bilen ýüz tutmakdan we ş.m. howatyr etmek, çekinmek. *Ol köpçüligiň öňünde çykyş etmeli bolsa, edil ýaga depjek ýaly bolardy.* **Ýagydan sypan ýaly** başly-barat, başagaý, elemtas (adamyň hereketi hakynda). *Aýu, bolup gelşiň dagy nätüýsli, ýagydan sypan ýaly-la?* (A. Soltanmyradow). **Ýagydan ýaý boýy** duşmanyňdan araň daşrak bolsa kem däl. *Ýagydan ýaý boýy diýipdirler, onuň bilen şu wagta çenli iş salyşmaly bolmandygyma şükür edýän.* **Ýagysyny gören ýaly bolmak** ýüzi-gözi üýtgäp gitmek. *Maňa gözi düşenden, edil ýagysyny gören ýaly bolup, hyrra yzyna dolandy.* **Ýagy ýaly** gazaply. *Ine, gerek bolsa, ýagy ýaly gyş!* (N. Saryhanow). **Yzyňdan ýagy kowýan ýaly bolmak** gaty haýdap ýöremek, aldyranyň bar ýaly bolup gelmek, gitmek. *Näme, yzyňdan ýagy kowýan ýaly bolup gelýäň?*

**ÝAGYBERMEK** [ýağyvermek], *işl.* Ýagyp başlamak, ýagmagyny dowam etdirmek.

**ÝAGYÇYLYK** [ýağyçylyk], *taryh, ser.* **Ýagylyk.** *Ýagyçylykda atasynyň malyny alaman sürüp, biraz gurpdan düşüpdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝAGYLYK** [ýağylyk], *at.* Duşmançylyk, ýowluk, duşmançylyk ýagdaýy, ýagyçylyk.

**ÝAGYN** [ýağyn], *at.* Ýagýan ýagşyň, garyň umumy ady. *Ýagyn ýagmak.*

**ÝAGYNLY** [ýağynly], *syp.* Ýagyşly, ygally. *Iki günläp ýagynly howa boldy.*

**ÝAGYNLYK** [ýağynlyk], *syp.* Ýagyş, gar köp ýagýan, ygallyk. *Men ýalňyşmaýan bolsam, sen şol ýagynlyk ýazda bolansyň!* (B. Kerbabaýew).

**ÝAGYR** [ýağyr], *at.* Howudyň, gaňňanyň, eýeriň degmegi, sürtülmegi netijesinde iş malynyň arkasynda emele gelýän ýara. *Özem arkasy ýagyr, gulagy sagyr, maňlaýy şor, gözleri kör, guýrugy hem jonnuk tulpardy* ("Görogly").

◊ **Ýagra derlik görkezen ýaly** düýbünden gerek däl, artykmaç. **Ýagyr bolmak** halys irmek, ez-bez bolmak, ýadamak, irmek. **Ýagyr eşek bolmak** gaty köp işläp, arkaň bilen köp ýük göterip halys bolmak. **Ýagyr etmek** köp gaýtalap halys etmek. *Şu sözleri sen ýagyr etdiň ahyry!* (B. Kerbabaýew).

**ÝAGYRNIÇLIK** [ýağyrnişlik], *at.* Esasan, aýal köýneginiň ýagyrnysynyň iç ýüzünden tutulýan mata. *Her düýp gowaçany çaga saklan ýaly edip ýetişdirýänçäň, ençeme köýnegiň ýagyrniçligi çüýreýär* (H. Garabaýew).

◊ **Ýagyrniçligini otlamak** gymmat satyp, işini görmek, çürkemek.

**ÝAGYRNY** [ýağyrny], *at.* **1.** Adamyň egninden pilçe süňkleriniň etegine çenli bolan aralyk, arka. *Wüşi kel köýnegini ýokaryk çekip, ýagyrnysyny görkezdi* (A. Gowşudow). **2.** Köýnegiň arkany örtýän bölegi. *Seň topraga ene diýýän ogullaň, Ýagyrnysy seňki ýaly derläp dur* (B. Hudaýnazarow). *Köýnegiň ýagyrnysyna der çykypdyr.*

◊ **Ýagyrnysyny gyzdyrmak** ýagyrnysyna urup awundyrmak.

◊ **Ýagyrnysyny ýere bermek** – ýykmak, ýeňmek.

**ÝAGYŞ** [ýağyş] **I,** *iş ady.* Ýagmak ýagdaýy. *Ýagnyň ýagşy gowy.*

**ÝAGYŞ** [ýağyş] **II,** *at.* Owunjak suw damjajyklary görnüşinde sepelenip ýere düşýän ýagmyr, ýagyn. *Ýagyş daňdana golaý diňdi.*

◊ **Ýagyşdan gaçyp, damja uçramak** eden işiň tersine düşmek, gowusyny isläp, beterine sataşmak, beterden-beterine duşmak. *Han küýli ýagyşdan gaçyp, damja uçrady* (A.Durdyýew). **Ýagyş geçmek** ýagşy saklap bilmezlik, ýagyş tamyň içine dammak. *Tamymyzyň üsti saman suwag bolansoň, ondan ýagyş geçýärdi.*

**ÝAGYŞLY** [ýağyşly], *syp.* Ýagyş ýagyp duran, ýagmyrly, ýagynly. *Ýagyşly gün ýat, ýelli gün ýort* (Nakyl).

**ÝAHANA,** *at.* Hurşy gyzyl balykdan taýýarlanýan palawyň bir görnüşi. *Jahana-ýa, jahana, Aş bişirdim –ýahana* (Küştdepdiden).

**ÝAHNA,** *at.* Gaýnadylan etden sowadylyp taýýarlanýan nahar. *Gara goýun ýahnasyndan öňüne getiriň* ("Kitaby dedem Gorkut"). *Şüle, süzme, palaw, ýahna, kebap ýaly naharlardan her gün dokuz dürli nahary häzir etdi* ("Görogly").

**ÝAK** [ýa:k], *at. haýwanat d.* Orta Aziýanyň beýik daglyklarynda ýaşaýan şahly süýdemdiriji, gäwüşeýän uly haýwan.

**ÝAKA,** *at.* **1.** Köýnegiň, çabydyň, kürtäniň we ş.m. eşigiň boýun töweregi we çäk ýa-da dik açylýan öň tarapy. *Ýakasyna hatarlap dakar tylla düwmesin*

(M. Seýidow). **2.** Bir zadyň kenary, gyrasy, boýy. *Derýanyň ýakasy. Ýoluň ýakasy. Ýanaşyk söwütleriň arasy bilen baryp bedrelerini ýabyň ýakasynda goýdy* (A. Gowşudow). **3.** Tarap, töwerek, ýan. *O ýaka gitsek, biz sizden gaty uzaklaşarys.* **4.** Bir ýeriň haýsy hem bolsa bir çeti, gyrasy. *Ol şu gumuň aňry ýakasynda oturýardy* (N. Saryhanow). **5.** Bir zadyň etegi, başlanýan ýeri, başy. *Goýunlar ýakada otlaşyp ýördüler* (K. Işanow).

◊ **Ýakadan el çekmezlik** dyndarmazlyk, öz günüňe goýmazlyk, sypdyrmazlyk. *Müň teňňe alandan soň, ol meniň ýakamdan elini çekjekmi?* (B. Seýtäkow). **Ýakadan ilmek** biriniň üstünden düşmek, azar bermek, kösemek. *Sen-ä oňa kömek edýäň, olam gelip ýakaňdan ilýär* (B. Öwezow). **Ýakaňa tüýkürmek** toba etmek, üýşenmek, gorkandygyňy hereket arkaly aňlatmak. **Ýakaňy çäk etmek** gaty gynanmak, horlanmak, perýat edip aglamak. *Ýazgydym ýat edip, ýakam çäk edip, Säher nalyş bilen boldum girýana* (Magtymguly). **Ýakaňy tanatmak** ile erbetlikde belli bolmak, kimdigiňi bildirmek, ile bellenmek. **Ýakaňy tutmak** akyla sygmajak, il götermejek zadyň edilendigini eşidip, görüp, toba etmek. *Ol: "Toba-toba" diýip, ýakasyny tutdy* (B.Seýtäkow). **Ýakasy gaýyşly** öz pikirini dogry hasaplap hereket edýän, öz eňegine tutýan, diýen etmezek. **Ýaka tutuşmak** sene-mene edişmek, biri-biriňe el garmak, uruşmak. **Ýaka ýyrtmak** dady-perýat etmek, nala çekmek, gaty aglamak, gaty ýalbarmak. *Ol ýaka ýyrtyp aglady.* **Ýaka ýyrtyşmak** tutaklaşyp uruşmak, ýakalaşyp dawalaşmak.

**ÝAKAL,** *at.* Adamlaryň, göwreli aýallaryň ýüzüne düşýän goňrumtyl tegmiller, menekler.

**ÝAKALAMA,** *iş ady.* Ýakalamak ýagdaýy.

**ÝAKALAMAK,** *işl.* Bir zadyň ýakasyny, gyrasyny syryp gitmek, gapdaly bilen gitmek. *Ýaby ýakalap gelýän takyrja ýoda olary göni Halap aganyň münüp oturan teläriniň ýanyna getirdi* (N. Baýramow).

**ÝAKALAŞMA, 1.** *iş ady.* Ýakalaşmak ýagdaýy. *Harmandäli bular ýaly ýakalaşmany hiç wagt görmändi* ("Görogly"). **2.** *at.* Milli göreşiň bir görnüşi. *Lebap toýlarynda ýakalaşma göreşi ýörgünli.*

**ÝAKALAŞMAK,** *işl.* Biri bilen ýaka tutup çekeleşmek, uruşmak.

**ÝAKALAŞMAKLYK,** *iş ady.* Ýakalaşmak ýagdaýy.

**ÝAKALAŞYK,** *at.* Iki tarap bolup edilýän uruş; çekeleşik. *Ara barha ýakynlaşýardy, gazaply ýakalaşyk ynha-ynha başlamalydy* (G. Kulyýew).

**ÝAKALAÝYŞ,** *iş ady.* Ýakalamak ýagdaýy.

**ÝAKALYK,** *syp.* Ýaka etmek üçin niýetlenen, ýaka eder ýaly (mata).

**ÝAKARLYK,** *syp.* Ýakmak üçin niýetlenen, ýakar ýaly. *Ýakarlyk odun.*

**ÝAKAR-ÝAKMAZ,** *syp.* **1.** Jana ýaramaýan, ýaramsyz (iýmit hakynda). *Ýakar-ýakmaz bir zat iýen bolaýma.* **2.** Ýakymsyz, göwne degýän, gaty-gaýrym, ýokuş (söz, gürrüň hakynda). *Adama ýakar-ýakmaz söz diýmäň.*

**ÝAKDYRMAK I**, *işl.* **1.** Birini bir zat ýakmaga sezewar etmek, ot berdirmek, otlatmak. *Oduny ýygana ýakdyr, maly gazanana bakdyr* (Nakyl). **2.** Ýagtylandyrtmak, yşyklatdyrmak.

**ÝAKDYRMAK II**, *işl.* Suw berdirmek, suwdan gandyrtmak. *Mallary suwa ýakdyrmak.*

**ÝAKDYRMAZLYK,** *işl.* Ýakmak işini etdirmezlik.

◊ **Ot ýakdyrmazlyk** birine gün bermezlik, azar ýamanyny bermek, gününe goýmazlyk.

**ÝAKMA I, II, III,** *iş ady.* Ýakmak ýagdaýy.

**ÝAKMAK I**, *işl.* **1.** Üýşüp duran oduna we ş.m. zada ot bermek, otlamak. *Beýik-beýik depeleriň üstünde, çolugyň geljek ugrunda ot ýakýardylar* (H. Derýaýew). **2.** Yşyk, ýagty berýän enjamlary işletmek. *Çyrany ýakdylar.* **3.** Bir zadyň gyzgyny güýçli täsir etmek. *Gün ýakyp barýardy.* **4.** *göç. m.* Gynandyrmak, agyrtmak, zulum etmek, örtemek. *Yşk meni ýandyryp, ýakyp baradyr* (Magtymguly).

**ÝAKMAK II,** *işl.* Suw görkezip, gandyrmak, suw bermek (mal hakynda). *Ol guýynyň düýbüni görmän, bedresindäki suwy dökän-saçan edip, zordan ýabysyny suwa ýakdy* (A. Durdyýew).

**ÝAKMAK III,** *işl.* **1.** Göwne ýaramak, halamak, söýmek, gowy görmek. *Seniň bu sözüň göwnüme ýakýar.* **2.** Jana oňaýly täsir etmek, hoş ýaramak.

**ÝAKUT** [ýa:ku:t] **I,** *at.* Gök ýa-da ýaşyl reňkli gymmatbaha daş (kümüş şaýlarynyň ýüzüne gaş edilip oturdylýar). *Göwher, ýakut ýar boýnunda, Pelek lerzandyr oýnunda* (Magtymguly).

**ÝAKUT** [ýa:ku:t] **II,** *at, ser.* **Ýakutlar.** *Ýakut edebiýaty. Ýakut dili türki dilleriň biridir.*

**ÝAKUTLAR** [ýa:ku:tlor], *at.* Ýakudystanyň ýerli ilaty.

**ÝAKYLMAK I,** *işl.* Ot berilmek, otlanylmak. *Uly oýlukda belent ot ýakyldy.*

**ÝAKYLMAK II,** *işl.* Mallara suw berilmek, suwarylmak. *Ýatakdaky mallar suwa ýakyldy.*

**ÝAKYM,** *at.* Jana ýaramlylyk, peýdalylyk. *Sörtük şemalyň ýakymy ýok.*

**ÝAKYMLY,** *syp.* **1.** Göwne ýaramly, göwne hoş ýakýan, lezzetli. *Ýakymly şemallar öwser her günde* (Mätäji). *Ön görmedik ýerleriňi görmek has hem ýakymly* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk). *Täze köwüş birbada ýakymly bolmaýar, köne öwrenişenje köwşüňi geýesiň gelýär* (B. Hudaýnazarow). **2.** Mylaýym, sypaýy, mylakatly. *Obamyzda şondan gözel, şondan ýakymly gyz ýokdy* (B. Gulow).

**ÝAKYMLYJA,** *at. ösüml.* Boýy iki garyş çemesi köpýyllyk, otjumak, ýabany hem-de ekilýän görnüşleri bolan ösümlik.

**ÝAKYMLYLYK,** *syp.* Ýakymy barlyk, ýakymly bolmaklyk. – *Mundan beýläk alyp galmagyn – diýip, mugallym ýakymlylyk bilen gepledi* (N. Jumaýew).

**ÝAKYMLYRAK** [ýakymlyra:k], *syp.* Birneme ýakymly, az-kem ýakymly. *Okara-okara agaran*

*içeňde gaňşyrawugyňy tütedýän ...çal Amanyň agzyna has-da ýakymlyrak degýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝAKYMSYZ,** *syp.* **1.** Ýakymly däl, ýakymy ýok. *Onuň göwnüne mylaýym şemal hem ýakymsyzdy* (A. Gowşudow). **2.** Erbet, ýaramaz. *Ýetirýär ýakymsyz ajy sözlerin, Gaharly alardyp maňa gözlerin* (A. Kekilow). **3.** Garagol, bezzat (çaga hakynda). *Men siziň ýaly mahalym ýakymsyzdym* (A. Gowşudow).

**ÝAKYMSYZLYK,** *at.* Ýakymy ýokluk, ýakymly dällik, ýakymsyz bolmaklyk. *Emma munuň gylygy, tawus nähili owadan bolsa sesiniň ýakymsyzlygyna, çakyr aýaklarynyň gelşiksizligine çalym edýär* (B. Kerbabaýew). *Bolsa-da, ol oglan bir ýakymsyzlyk edendir öýtdüm* ("Edebiýat we sungat").

**ÝAKYMSYZRAK** [ýakymsyzyra:k], *syp.* **1.** Ýakymly däl, ýakymy ýograk. *Ýakymsyzrak howa.* **2.** Erbedrak, ýaramazrak (söz hakynda) . **3.** Garagolrak, bezzadrak (çaga hakynda). *Ýakymsyzrak oglan.*

**ÝAKYN** [ýaky:n], *syp.* **1.** Uzak bolmadyk, daş bolmadyk, golaý. **2.** Golaý garyndaşlykda, aragatnaşykda bolan, ýürekdeş dost-ýar.

**ÝAKYNDA** [ýaky:nna], *hal.* **1.** Ýakyn wagtda, ýakyn wagtyň içinde. *Şu ýakynda oglumyň harby gullukdan gaýdyp gelmegine garaşýaryn.* **2.** Ýaňy-ýakynda, ýaňyrak, täzelikde, baýak, arada, golaýda.

**ÝAKYNLAMAK** [ýaky:nlamak], *işl.* **1.** Bir zadyň, biriniň golaýyna, ýakynyna barmak. **2.** Bir ýeriň golaýyna barmak, ýakynyna gelmek, ýakynlaşmak. *Otly şähere ýakynlaýardy.* **3.** Golaýlamak, golaý gelmek, ýetip gelmek (wagt hakynda). *Goşa baýram ýakynlaýar.*

**ÝAKYNLAŞDYRMAK** [ýaky:nlaşdyrmak], *işl.* **1.** Biri-biriniň ýakynyna eltmek, eltip goýmak. *Çilimi benzine ýakynlaşdyrmak howpludyr.* **2.** Ruhy taýdan biri-birine golaýlaşdyrmak, ysnyşdyrmak. *Bilelikdäki agzybir iş ýaşuly-ýaşkiçi – hemmesini ýakynlaşdyrdy. Şypahanada bile bolmaklary olary has ýakynlaşdyrypdy.*

**ÝAKYNLAŞMAK** [ýaky:nlaşmak], *işl.* Ýakynlap başlamak, golaýlap başlamak, golaýlaşmak. *Şol mahal oglanjyk elindäki pökgini özlerine ýakynlaşyp barýan Mährä zyňdy* (A.Gowşudow). *Maşyn muzeýe ýakynlaşyp saklandy.*

**ÝAKYNLATDYRMAK** [ýaky:nlatdyrmak], *işl.* Ýakyn aralyga getirtmek. *Ogluňy bozuk çagalara ýakynlatdyrmagyn.*

**ÝAKYNLATMAK** [ýaky:nlatmak], *işl.* Ýakynyna eltmek, ýakyn getirmek, golaýyna süýşürmek. *Terje güli ýanyp duran bir oda ýakynlatsaň, gunçalary süllerer* (B. Hudaýnazarow).

**ÝAKYNLAÝYŞ** [ýaky:nlaýyş], *iş ady.* Ýakynlamak ýagdaýy.

**ÝAKYNLYK** [ýaky:nlyk], *at.* **1.** Daş dällik, golaýlyk, golaý aralykda bolmaklyk. **2.** Ýakyn hossarlyk, garyndaşlyk.

**ÝAKYNSYRAMAK** [ýaky:nsyramak] *işl.* Ýakyn garyndaşyň, ilen-çalanyň bolmasa-da, ýakyn boljak bolmak.

**ÝAKYŞDYRMAK,** *işl.* Bir ýan ujundan ýakmak, otlaşdyrmak, birnäçe ýerde ýakyp çykmak. *Ýigitler ýene-de ot ýakyşdyrypdyrlar* (A. Gowşudow).

**ÝAKYŞMAK I,** *işl.* **1.** Ýakmaga kömek etmek. *Ot ýakyşmak.* **2.** Bilelikde ýakmak.

**ÝAKYŞMAK II,** *işl.* **1.** Mallary suwa ýakmaga kömek bermek. *Sen muny bakyşypmydyň, ýakyşypmydyň?!* ("Görogly"). **2.** Bilelikde ýakmak. *Oglanlar düýelerini suwa ýakyşyp durdular.*

**ÝAL,** *at.* **1.** Ite berilýän iýmit. *Ite ýaly az berseň, gapyňdan garamaz* (Nakyl). *Gülruh eje-de şondan soň beýnisi sarssa-da, Alabaýyň sesine çydap, oňa ýal berip ýör* (O. Ödäýew). **2.** *gepl.d.* Nahar, iýmit. *Ýaltanan ýal tapmaz, tapsa-da, bol tapmaz* (Nakyl).

◊ **Ýala gelmek** – köpege gelmek. **Ýal ýagysy** işlemän iýmäge ymtylýan, edýän işi iýenine degmeýän, iýenini ödemeýän; elinden zat gelmeýän, iş başarmaýan. *Ah, sizden hiç haçan abraý ýokdur, bir topar ýal ýagylary* (A. Durdyýew).

**ÝAL** [ýa:l], *at.* Käbir haýwanlaryň boýnunyň üstünde zolak bolup ösýän ösgün gyl. *Ýaman ata ýal bitse, ýanyna ýanlyk baglatmaz, ýaman kişä mal ýetse, ýanyna goňşy gondurmaz* (Nakyl).

◊ **Ýalyň agarmak** ýaşy bir çene ýetmek; garramak, sakgaly, saçy agarmak.

**ÝALAK I,** *at.* Ite ýal we suw berilýän gap. *Iti bolmadygyň ýalagy bolmaz* (Nakyl).

**ÝALAK II,** *at.* **1**. Jykyryň dik okuny göterip durýan kese agaç. **2.** Bosagada gabsanyň girip durýan ýeri.

**ÝALAKÇA,** *at.* **1.** Degirmende doludan dökülýän bugdaýy gora kadaly guýmak üçin hyzmat edýän şeýtan agajy arkaly herekete gelýän ýalpak gap. *Ýalakçanyň erňekleri gädilipdir.* **2.** Demir ussahanasynda suw guýlup goýulýan gap.

**ÝALAMA I,** *iş ady.* Ýalamak ýagdaýy.

**ÝALAMA II,** *at.* **1.** Yssydan dodagyň ýanmagy netijesinde emele gelýän ýara. *Dodagy ýalama bolupdyr.* **2.** *gepl.d.* Gysganç, gysyk.

**ÝALAMA III,** *at.* **1.** Derýanyň içindäki öňe çykyp durýan ýer. **2.** Tekiz, takyr. *Onuň süýr depesi bolsa ýylaksyz ýalama ýapa meňzeýärdi* (A. Gowşudow).

**ÝALAMAÇ,** *at.* Gök garylan bulamak. *Gaýnadylýan ýalamajyň düşerine howlugýarlar* (R. Gelenow).

**ÝALAMAK,** *işl.* **1.** Bir zadyň ýüzünden diliňi ýöretmek, bir zadyň daşyny diliň bilen arassalamak, bir zady diliň bilen syrmak. *Bal tutan barmagyny ýalar* (Nakyl). **2.** *göç. m.* Çala degip geçmek, gyltyz degmek, sypap geçmek. *Ok meniň hem egnimi ýalap geçdi* (N. Pomma). **3.** *göç.m.* Iýmek, kertmek. *Boýuntyrygyň samaçawlaryndan hiç biri galman, käbir ýerini sarygarynja ýalapdyr* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýalap barmak** örän sowuk bolmak (howa hakynda).

**ÝALAN**, *syp.* Çyn däl, galp, nädogry. *Ýalan gürrüň. Ýalan sözleseň, tutularsyň, düz sözleseň, gutularsyň* (Nakyl).

◊ **Ýalana çykarmak** – puja çykarmak, hakykata dogry gelmeýändigini äşgär etmek.

**ÝALANÇY I,** *syp.***1**. Ýalan sözleýän adam, ili aldap ýören adam, aldawçy. *Ýalançy töre bir geçer* (Nakyl). **2**. *gepl.d.* Hakyky däl, çyn bolmadyk. *Ýalançy atlaz.*

**ÝALANÇY II,** *at.* Şu dünýä, ýaşaýyş, durmuş.

◊ **Ýalança gelmek** dünýä inmek, eneden dogulmak. *Ýalançyga ýaňy gelen, Ganym bilen söweş salan* (Baýram şahyr). **Ýalançy bilen hoşlaşmak** aradan çykmak, dünýäden ötmek, amanadyňy tabşyrmak, ölmek. **Ýalançy ýagtylmak** daň atmak, howa ýagtylyp başlamak. *Soňra onuň öňünde çaý-çörek goýup, haýal etmän köçä çyksa, eýýäm ýalançy ýagtylan eken* (H.Derýaýew). **Ýalançy ýaryşdyran ýaly** tiz, çalt, dessine (bir zat howlukmaç ýerine ýetirilende aýdylýan aňlatma). *Edil ýalançy ýaryşdyran ýaly* (N.Saryhanow).

**ÝALANÇYLYK,** *at.* Ýalan, nädogry sözlemeklik, aldawçylyk, ýalançy häsiýetlilik.

**ÝALANDAN** [ýalannan], *hal.* Oýun edip, degşip, çyndan däl. *Ol ýalandan aglaýar. Bagyşla, men saňa ol sözi ýalandan aýtdym.*

**ÝALANLYK,** *at.* Hakykat dällik, çyn dällik. *Hany aýt, ýalanlygyny, çynlygyny derrew anyklarys* (B. Kerbabaýew).

**ÝALANMAK,** *işl.* Öz barmagyňy, tabagyňy ýalamak.

**ÝALANYŞMAK,** *işl., göç.m.* Bilelikde üýşüp iýmek, agzybir ýaşamak. *Ýalanyşan ajykmaz, söýenişen ýykylmaz* (Nakyl). **3.** *ser.* **Ýalaşmak.**

**ÝALAN-ÝAŞRYK** [ýalan-ýaşyryk], *syp.* Hakykata dogry gelmeýän, bolar-bolmaz, nädogry. *Ýalan-ýaşryk gürrüň.*

**ÝALAŇ I,** *hal.* Kileň, esasan. *Üýşmege ýalaň geýnüwli baý adamlar gelipdir.*

**ÝALAŇ II,** *syp., ser.* **Ýalaňaç**. *Gezseň ak çägede aýagyň ýalaň, Dermandyr, maňa çyn, size-de ýalan* (B. Hudaýnazarow).

◊ **Ýalaň ýüz** sakgal-murt çykmadyk. *Murty ýaňy taban, ýalaň ýüz, heniz eti-gany doluşmadyk, inçemik, orta boýly ýaş ýigit* (B. Kerbabaýew).

**ÝALAŇAÇ,** *syp.* **1.** Egni eşiksiz, geýim geýmedik. *Ýalaňaç suwdan gaýtmaz* (Nakyl). **2.** Gynsyz, gapsyz. *Soňra goltugyndan ýalaňaç gama çykaryp, ony ýokaryk galdyrdy* (N. Geldiýew). **3.** Düşek ýazylmadyk, düşek atylmadyk, düşeksiz. *Ýalaňaç ýerde oturmak.* **4.** Ýapraksyz, ýapragy dökülen. *Agaçlaryň hemmesi ýalaňaçdy* (A. Gowşudow). **5.** *at.* Garyp, hor ýaşaýan adam. *Ýalaňaja ýaz ýagşy* (Nakyl). **6.** Howutsyz, eýersiz, gaňňasyz.

**ÝALAŇAÇLAMA** [ýalaňaşlama], *iş ady.* Ýalaňaçlamak ýagdaýy.

**ÝALAŇAÇLAMAK** [ýalaňaşlamak], *işl.* **1.** Eşiklerini çykarmak, egnindäki geýimlerini aýyrmak (adam hakynda). **2.** Howudyny, eýerini, gaňňasyny we ş.m. aýyrmak. *Gyraty ýalaňaçlap, eýerini, palanyny aýryp, täzeden eýerledi* ("Görogly"). **3.** Gynyndan, gabyndan çykarmak. *Göwni eýýäm ata çykdy, gylyjyny ýalaňaçlady* (B. Seýtäkow). **4.** Ýapragyny aýyrmak, düşürmek. *Üzümiň çybyklaryny ýalaňaçlaýypsyň-la! Soňky uran sowuk agaçlary ýalaňaçlady.*

**ÝALAŇAÇLAMAZLYK** [ýalaňaşlamazlyk], *işl.* Ýalaňaç ýagdaýa getirmezlik.

**ÝALAŇAÇLANMAK** [ýalaňaşlanmak], *işl.* **1**.Özüňi ýalaňaçlamak. *Olar ýalaňaçlanyp, suwa urdular.* **2**. Ýalaňaç hala getirilmek.

**ÝALAŇAÇLATMAK** [ýalaňaşlatmak], *işl.* Ýalaňaçlamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek.

**ÝALAŇAÇLYK** [ýalaňaşlyk], *at.* **1.** Geýimsizlik, eşiksizlik, ýalaňaç halda bolmaklyk. *Oglanjyk indi ýalaňaçlykdan utanýardy, daşaryk gitjek bolsa geýinýärdi.* **2.** *göç.m.* Garyplyk, horluk. *Seň bolsa şol öňki ýalaňaçlygyň, Ine şeýdip geçip barýar seneler* (M. Seýidow).

**ÝALAŇGAT** [ýalaňňat], *syp.* **1.** Ýeke gat, içliksiz, diňe ýüzli matadan ybarat. *Oda giräýjek bolup, ýalaňgat jalbaryny göwredere getirdi* (N. Atdaýew). **2.** Bir gat, ýeke gat (sapak, ýüplük we ş.m. hakynda). *Biçilen geýime ýalaňgat sapak bilen kök atdylar.*

**ÝALAŇY,** *syp.* Töňňesiz ownuk odun, çöp-çalam. *Gazanyň aşagyndaky ýalaňy ot labyrdap ýanýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÝALAŞDYRMAK,** *işl.* Bir ýan ujundan ýalamak, ýalap çykmak, yzly-yzyna ýalamak.

**ÝALAŞMAK,** *işl.* Bile ýalamak.

**ÝALATDYRMAK,** *işl.* Ýalamagy başga birine etdirmek.

**ÝALATMAK,** *işl.* Ýalamaga mejbur etmek. *Tebip duzy çaga ýalatmagy tabşyrdy.*

**ÝALAW** [ýalow] **I,** *at.* **1**. Örän güýçli hem ýiti ýagtylyk berýän enjam. *Birden şol wagt şäher tarapyndan oba gyzyl ýalaw tutuldy* (A. Durdyýew). **2**. Örän ýiti. *Munyň-a tüýs ýalaw bolaýypdyr.*

◊ **Ýalaw ýaly** örän ýiti, ötgür.

**ÝALAW** [ýalow] **II,** *at. harb., kön.s.* Baýdak.

**ÝALAWAÇ** [ýalowa:ç], *at.* Allanyň resuly, pygamber.

**ÝALAWUNÇ** [ýalowunç], *at, ser.* **Ýalawaç.** *Ýalawunç urugly zatly ýaranlar* (Magtymguly).

**ÝALAÝYŞ,** *iş ady.* Ýalamak ýagdaýy.

**ÝALAZY,** *syp.* Hiç zat bitmedik boşluk, ot-çöpsüz giňişlik. *Amanaly öýüni ýoldan sowarak, gumagrak ýalazy ýerde dikipdir* (S. Myradow).

**ÝALBARMA** [ýalvarma], *iş ady.* Ýalbarmak ýagdaýy.

**ÝALBARMAK** [ýalvarmak], *işl.* Bir zat hakda birine ejizläp ýüz tutmak, bir zady sorap haýyş etmek, özelenmek. *Dursun naýynjar bir garaýyş bilen ogluna ýalbardy* (B. Kerbabaýew).

**ÝALBARMAKLYK** [ýalvarmaklyk], *iş ady.* Ýalbarmak ýagdaýy.

**ÝALBARTDYRMAK** [ýalvartdyrmak], *işl., ser.* **Ýalbartmak**. *Çagaňy ýalbartdyrma, özüň öňüne düş-de, iş, ýol öwret.*

**ÝALBARTMAK** [ýalvartmak], *işl.* Ýalbarmaga mejbur etmek. *Ol köp ýalbardyp, ahyry kitaby berdi.*

**ÝALBARYP-ÝAKARMAK** [ýalvaryp-ýakarmak], *işl.* Bir zat hakynda gaty özelenip haýyş etmek. *Akja ikimiz ýalbaryp-ýakaryp, ony zordan raýyndan gaýtardyk* (G. Gurbansähedow).

**ÝALBARYŞDYRMAK** [ýalvaryşdyrmak], *işl.* Gören kişä ýalbarmak, köp adama ýalbarmak.

**ÝALBARYŞMAK** [ýalvaryşmak], *işl.* **1.** Ýerli-ýerden bilelikde ýalbarmak. *Çagalar ýalbaryşyp duransoňlar dözmedim.* **2.** Ýalbarmaga kömek etmek. *Menem ýalbaryşdym, ol şol kitaby bererli däl.*

**ÝALBAR-ÝAKAR: ýalbar-ýakar etmek** birini rahatlandyrmak, köşeşdirmek üçin ýalbaryp görmek. *Çagajyk ýalbar-ýakar etsem-de, sesini goýman aglaýardy.*

**ÝALBYRAMAK** [ýalvyramak], *işl.* Lowurdamak, ýalbyr-ýalbyr etmek, ýaldyramak. *Akjagül ýaňy dogan aý ýaly ýalbyrap çykanda, jaýyň içi öňküsinden ýagtylyp gitdi* (B. Seýtäkow).

**ÝALBYRAŞMAK** [ýalvyraşmak], *işl.* Birnäçe zat bilelikde ýalbyramak.

**ÝALÇAMAZLYK,** *iş ady.* Gönençlik görmezlik. *Howlugan gyz äre baryp ýalçamaz* (Nakyl).

**ÝALÇARMAK,** *işl.* Açyklykda mese-mälim görnüp durmak. *Sygryň maçjasy ýalçaryp ýatyrdy.*

**ÝALÇARTMAK,** *işl.* Açyklykda mese-mälim görner ýaly etmek.

**ÝALÇY I**, *syp.* Ýaly gowy görýän, iýermen (it hakynda). *Itim hem ýalçy, hem malçy.*

**ÝALÇY II,** *at.* Dagyň ot-çöp bitmedik, ýylmanak, ýylçyr ýüzi. *Mesgen tutar çarwadarlar, Ýalçysynda ýatar marlar* (Magtymguly). *At ýene bir salym ýöredi-de, bir bolgusyz öwrümjikde ýapgyt ýalçy daş gaýa dyrmaşyp ugrady* (A. Gowşudow).

**ÝALÇY III,** *at.* Jaryň ugrundaky oý ýerlerde ýygnanyp galan bölek suw.

**ÝALDYRAK** [ýallyrak], *at.* Awgust aýynda, tomus bilen güýzüň sepgidinde dogýan ýaldyrawuk ýyldyz. *Ýaldyrakda tün sowar, Üç ýyldyzda gün sowar* (Nakyl). *Ýaldyragyň ýangyny, Üç ýyldyzyň galgyny* (Nakyl). *Ýaldyrak-da dogdy, epgek ýatyşdy, Indi gijelerne howa çigreýär* (M. Seýidow).

**ÝALDYRAMA** [ýallyrama], *iş ady.* Ýaldyramak ýagdaýy.

**ÝALDYRAMAK** [ýallyramak], *işl.* **1.** Mese-mälim, güýçli öwşün atmak, ýalkym salmak, lowurdap durmak, ýalpyldamak. *Çaklaňrak börüginde, Gyzyl egme ýaldyrap dur* (K. Gurbannepesow). **2.** Şöhle bermek, şöhle saçmak, yşyk salmak. *Uzakdaky dag gaýalary ýaly bolup, seleňläp oturan gum depeleriniň üstünde tegelek Aý ýaldyrap göterildi* (B. Seýtäkow).

**ÝALDYRAMAKLYK** [ýallyramaklyk], *iş ady.* Ýaldyramak ýagdaýy.

**ÝALDYRAŞMAK** [ýallyraşmak], *işl.* Çar ýandan, ýerli-ýerden ýaldyramak. *Ýyldyzlar ýaldyraşýardylar.*

**ÝALDYRATMAK** [ýallyratmak], *işl.* **1.** Ýaldyrar ýaly etmek. *Ýüzügi pamyk bilen süpürip ýaldyratdym.* **2.** Öwşün atdyrmak, lowurdatmak. *Saçyma ýag çalyp ýaldyratdym* ("Edebiýat we sungat").

**ÝALDYRAWUK** [ýallyrowuk], *syp.* Ýaldyrap duran, şöhle saçyp duran, ýalpyldawuk. *Ýaldyrawuk ýüzük.*

**ÝALDYRAÝYŞ** [ýallyraýyş], *iş ady.* Ýaldyraşmak ýagdaýy.

**ÝALHOR** [ýalho:r], *syp.* Ýal ýagysy, iliň hasabyna ýaşaýan.

**ÝALHORLYK** [ýalho:rluk], *at.* Ýalhoryň ýagdaýy, ýalhor bolmaklyk. *Haçana çenli özüňe ýalhor diýdirip ýörjek?!*

**ÝALKAMA,** *iş ady.* Ýalkamak ýagdaýy.

**ÝALKAMAK,** *işl.* Ýagşylyk etmek, gowulyk bagyşlamak. *Ýalkasa – ýaz, gargasa – gyş* (Atalar sozi).

**ÝALKAMAKLYK,** *iş ady.* Ýalkamak ýagdaýy.

**ÝALKANMAK,** *işl.* Allanyň rehimdarlyk etmegine mynasyp bolmak. *– Bir pire gol bersem, günämiň ötülmegine, ýalkanmagyma sebäpkär bol! – diýip, ýalbarsam diýýän* ("Myraly").

**ÝALKAW** [ýalkow], *at, ser.* **Ýalkama.** *Gudraty güýçliniň ýalkawy.*

**ÝALKAÝYŞ,***iş ady.* Ýalkamak ýagdaýy.

**ÝALKY,** *syp., gepl.d.* Täk, ýeke. ýalňyz. *Sen bir ýalky dogan är sen, Orazym* (Kemine).

**ÝALKYM,** *at.* Ýagtylyk şöhlesi, şöhle. *Çar tarapa ýalkym saçar ýüzleri, Ak ýüzüňize çöken nurmy, gelinler* (Baýram şahyr). *Gabsasyz açyk işikden dolan Aý üstümize ýalkym salýardy* (A. Gowşudow).

**ÝALKYMLY,** *syp.* Şöhle saçýan, şöhle salyp duran.

◊ **Ýalkymly salam** gadyr-gymmat bilen berilýän dabaraly, joşgunly salam.

**ÝALKYMLYLYK,** *at.* Ýalkymy barlyk.

**ÝALKYMSYZ,** *syp.* Ýalkym salmaýan.

**ÝALKYMSYZLYK,** *at.* Ýalkymy ýokluk.

**ÝALLAKLAMA,** *iş ady.* Ýallaklamak ýagdaýy.

**ÝALLAKLAMAK,** *işl.* Ýaranjaňlyk etmek, gülüm-ýalym edip ýaranjak bolmak.

**ÝALLAKLAMAKLYK,** *ş ady.* Ýallaklamak ýagdaýy.

**ÝALLAKLAMAZLYK,** *iş ady.* Ýaranjaňlyk etmezlik, ýaranjak bolmazlyk.

**ÝALLAKLAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden ýallaklamak. *Itleriň her haýsy hem Durdy çopanyň öňünde ýallaklaşdylar* (A. Gowşudow).

**ÝALLAKLATMAK,** *işl.* Ýallaklamaga mejbur etmek.

**ÝALLAKLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýallaklamak ýagdaýy.

**ÝALLAMA,** *iş ady.* Ýallamak ýagdaýy.

**ÝALLAMAK,** *işl.* **1.** Ite ýal bermek, ýal berip naharlamak. *Çoluk itleri ýallady.* **2.** *göç.m.* Birini öz garamagyňda ekläp-saklamak (gödek äheňde aýdylýar). *Garnyň ýallap, iýdirip, Men sizi adam etdim* (Ş. Kekilow).

**ÝALLAMAKLYK,** *iş ady.* Ýallamak ýagdaýy.

**ÝALLAMAZLYK,** *iş ady.* Ýal bermezlik.

**ÝALLANMAK,***işl.* Nahar edinmek (kinaýaly).

**ÝALLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýallamak ýagdaýy.

**ÝALLYK,** *syp.* Ýal üçin niýetlenen. *Ol ite ýallyk bäş-alty goşawuç arpa ununy-da getiripdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝALMAMA,** *iş ady.* Ýalmamak ýagdaýy.

**ÝALMAMAK,** *işl.* Berlen naharyň, iýmitleriň we iýmiň hemmesini zat goýman, açgözlük bilen çalt iýmek, ýuwutmak. *Sygyr öňüne dökülen oty ýalmap goýberýärdi. Döw: Iki üzüp, bir ýalmardym* (Ertekiden).

**ÝALMAMAKLYK,** *iş ady.* Ýalmamak ýagdaýy.

**ÝALMAN**, *at, haýwanat d.* Öň aýaklary gysga, art aýaklary we guýrugy uzyn syçan, atýalman. *Ýalmanlar-da gaçyp-gaçyp, Hinlerine urýar kürsäp* (M. Seýidow).

**ÝALMANDYRMAK** [ýalmannyrmak], *işl.* Ýalmanar ýaly etmek, ýalmanmaga mejbur etmek. *Dillerini ýalmandyrýarlar, ýuwaşrak mallaryň otlaryny demlerine dartyşyp barýarlar* (B. Kerbabaýew).

**ÝALMANMAK,** *işl.* Nahara ymsynyp, diliň bilen dodagyňy ýalamak, tamşanmak. *– Hawa, pirim, getirdim, hanha gapyda ýalmanyp ýatyr! – diýdi* (Keminäniň adyna aýdylan şorta sözlerden).

**ÝALMANYŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde ýalmanmak. *Garawuly görenden itler ýalmanyşyp başladylar.*

**ÝALMAWUZ** [ýalmowuz], *syp.* Näme tapsa, ýalmap-ýuwdup barýan, horan, doýmazak, hajymelik, iýermen (kinaýaly). *Ol naharlaryň baryny edil ýalmawuz açan ýaly, şol bada lak-luk atýar* (N. Pomma).

**ÝALŇY**, *at.* Öýüň üzügine goşmaça bolar ýaly ýeke gamyşa salnyp basylýan keçe önümi.

**ÝALŇYŞ,** **1.** *at.* Işde, pikirde goýberilýän nädogrulyk, hata. *Ol özüniň ýalňyşyny düzederin, arzuwyma ýeterin hasap edipdi* (B. Kerbabaýew). **2.** *at.* Hasaplaýyş, ýazuw işlerinde we ş.m. ýagdaýlarda ýüze çykýan kemçilik, nädürslük. *Şu ikinji işi köpiňiz ýalňyş işläpsiňiz. Harp ýalňyşy.* **3.** *syp.* Nädogry. *Ýalňyş jogap.*

**ÝALŇYŞDYRMAK,** *işl.* Birini ýalňyşar ýaly etmek, ýalňyşmagyna sebäp bolmak.

**ÝALŇYŞLYK,** *at.* Işde, ýazuwda, pikirde goýberilýän nädogrulyk, nätakyklyk.

**ÝALŇYŞMA,** *iş ady.* Ýalňyşmak ýagdaýy.

**ÝALŇYŞMAK,** *işl.* **1.** Ýalňyş hereket etmek, ýalňyşlyk, nätakyklyk goýbermek. *Bibijemalym, indi sen meniň günämi geç, men ýalňyşypdyryn!* (A. Durdyýew). **2.** Biri ýa-da bir zat hakda nädogry pikir etmek. *Sen gaty ýalňyşýarsyň!* **3.** Azaşmak, ugruňy üýtgetmek. *Myhman ýalňyşandygyny soň duýup galdy.*

**ÝALŇYŞMAKLYK,** *iş ady.* Ýalňyşmak ýagdaýy.

**ÝALŇYŞMAZLYK,** *iş ady.* Ýalňyş hereket etmezlik, ýalňyşlyk goýbermezlik. *Adam bir çig süýt emen, ýalňyşmanam bolanok.*

**ÝALŇYŞSYZ,** *syp.* Ýalňyşy bolmadyk, ýalňyş goýberilmedik. *Onuň çeper, çalasyn elleri her iki erşiň daşyndan dolap alan çitimlerini eltip, ýalňyşsyz öz ýerine gondurýar* (H. Derýaýew).

**ÝALŇYŞYŞ,** *iş ady.* Ýalňyşmak ýagdaýy.

**ÝALŇYZ** [ýalňy:z], *syp.* Ýeke, ýeke-täk, bir özi. *Ýeke-tägim, ýalňyzym, Türkmenistanym meniň!* (B. Hudaýnazarow). *Çagajyk aýylganç ýer titremesinde ene-atasyny ýitirip, ýalňyz galdy.*

**ÝALŇYZLYK** [ýalňy:zlyk], *at.* Ýalňyz ýagdaýda bolmaklyk. *Magtymgulynyň häzir hem il gözünden uzakda, ýalňyzlykda pikirini durlap, açyk howada göwnüne ýeňillik beresi gelýärdi* (G. Kulyýew).

**ÝALP: ýalp etmek** birden ýalpyldap gitmek, birden ýalpyldy peýda bolmak. *Uzakdan bir zat ýalp edip gitdi.*

**ÝALPA: ýalpa gözüňi açmak** gözüňi birden açmak, çaltlyk bilen açmak. *Ýatagan gözlerini ýalpa açanda, Görýär özün köne ýorgan içinde* (K. Gurbannepesow).

**ÝALPAK,** *syp.* **1.** Çuň däl, saý. *Ýalpak kenar.* **2.** Çukur däl, çuň bolmadyk, telper. *Ýalpak tabak.*

**ÝALPAKLANMAK,** *işl.* Suwy azalyp, ýalpak, saý bolmak. *Ýapdaky suw gitdigiçe ýalpaklanýardy.*

**ÝALPAKLAŞMAK,** *işl.* Kem-kemden ýalpak bolup başlamak, suwy azalyşmak. *Howdanyň suwy ýalpaklaşyp gidip otursa, balyklara zyýan ýetirmegi mümkin diýip, derrew çäresini tapdylar.*

**ÝALPAKLATMAK,** *işl.* Ýalpak bolar ýaly etmek.

**ÝALPAKLYK,** *at.* Çuň dällik, saýlyk. *Hazar deňziniň ýalpaklygy.*

**ÝALPARMA,** *iş ady.* Ýalparmak ýagdaýy.

**ÝALPARMAK,** *işl., gepl.d., ser.* **Ýalpaklaşmak.** *Ýabyň gyralary opurylansoň, suwy öňküsinden ýalparypdyr.*

**ÝALPARMAKLYK,** *iş ady.* Ýalparmak ýagdaýy.

**ÝALPARTMAK,** *işl.* Ýalparar ýaly etmek. *Käliň ugruna bäş-alty ýyldan bäri pil agzy degmäni üçin, oňa gyrmança urup ýalpardypdy* (B. Kerbabaýew).

**ÝALPARYŞ,** *iş ady.* Ýalparmak ýagdaýy.

**ÝALPOŞ** [ýa:lpo:ş], *at.* Atyň boýnuna ýapylýan, ony çybyn-çirkeýden goraýan eşik.

**ÝALPYLDAMA** [ýalpyllama], *iş ady.* Ýalpyldamak ýagdaýy.

**ÝALPYLDAMAK** [ýalpyllamak], *işl.* **1.** Güýçli öwşün atmak, lowurdamak. *Onuň döşündäki medal ýalpyldaýardy.* **2.** Bezenip-beslenmek. *Ol ýalpyldap öýden çykdy.*

**ÝALPYLDAMAKLYK** [ýalpyllamaklyk], *iş ady.* Ýalpyldamak ýagdaýy.

**ÝALPYLDAMAZLYK** [ýalpyllamazlyk], *iş ady.* Güýçli öwşün atmazlyk, lowurdamazlyk. *Alan gülli köýnegiň aýdylyşy ýaly-ha ýalpyldanok.*

**ÝALPYLDAŞMAK** [ýalpyllaşmak], *işl.* **1.** Ýerli-ýerden ýalpyldamak; hemme ýeri ýalpyldamak; birnäçe zat ýalpyldamak. *Çäýnek-käseler ýalpyldaşyp dur.* **2.** Birnäçe bolup bezenip-beslenmek. *Gyzlar ýalpyldaşyp, gülşüp-degşip gelýärler.*

**ÝALPYLDATMAK** [ýalpyllatmak}, *işl.* Ýalpyldap durar ýaly etmek, ýalpyldamak derejesine ýetirmek. *Ol ýigit ýaglygyny çalt-çalt gezdirip, ädigiň*

*gonjuny aýna ýaly ýalpyldatdy* (B. Kerbabaýew). *Näçe ýalpyldatsaň, mis ýene misdir, Ýüregi garanyň gözlegi pisdir* (M. Seýidow).

**ÝALPYLDAWUK** [ýalpyllowuk], *syp.* Hemişe ýalpyldap duran, ýaldyraýan. *Başynda sury telpek, aýagynda ýalpyldawuk gara ädigi bardy* ("Edebiýat we sungat").

**ÝALPYLDAÝYŞ** [ýalpyllaýyş], *iş ady.* Ýalpyldamak ýagdaýy.

**ÝALPYLDY** [ýalpylly], *at.* Öwşün atyp duran şöhle, ýiti şöhle berýän ýagtylyk, şöhle saçyp duran ýalkym. *Aýnanyň ýalpyldysy gözüňi gamaşdyrýardy.*

**ÝALT: ýalt etmek** birine ýa-da bir zada birden öwrülip seretmek. *Nabat yzyna ýalt edip seretdi* (A. Durdyýew).

**ÝALTA I,** *syp.* Zähmet çekmegi halamaýan, iş ýakmaz. *Ýaltanyň eli uzyn, dili gysga* (Nakyl). *Aýtsam, öň wagtda iki sany ýalta bolanmyş* (A. Durdyýew).

**ÝALTA II: ýalta seretmek (bakmak)** *ser.* **Ýalt**. *Aşyr ýalta seredende, Aýnanyň ýegdekläp gelýänini gördi* (B. Kerbabaýew).

**ÝALTAÇYLYK,** *at., ser.* **Ýaltalyk.**

**ÝALTAKLABERMEK** [ýaltakla:vermek], *işl.* Ýaltaklap başlamak.

**ÝALTAKLAMA,** *iş ady.* Ýaltaklamak ýagdaýy.

**ÝALTAKLAMAK,** *işl.* Tiz-tizden o ýana, bu ýana öwrülip, töwerege göz gezdirmek, garanjaklamak, ýalt-ýult etmek. *Ejesi daş-töweregine ýaltaklady, emma gyzyny görmedi* (A. Gowşudow).

**ÝALTAKLAMAZLYK,** *iş ady.* Ýalt-ýult etmezlik.

**ÝALTAKLAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde ýaltaklamak; köpçülik bolup ýaltaklamak. *Gyzlar suwa gelen jeren ýaly töweregine ýaltaklaşyp, Hatyjanyň daşyna halkalaýyn aýlanypdyrlar* (N. Pomma).

**ÝALTAKLATMAK,** *işl.* Ýaltaklamaga mejbur etmek. *Men pylan ýerdedirin diýip aýtmansoň, oglanjyk ejesini ýaltakladyp goýdy.*

**ÝALTAKLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaltaklamak ýagdaýy.

**ÝALTALYK,** *at.* Ýaltanyň ýagdaýy, zähmet çekmegi söýmezlik, iş ýakmazlyk, ýaltaçylyk.

**ÝALTANMA,** *iş ady.* Ýaltanmak ýagdaýy.

**ÝALTANMAK,** *işl.* Ýaltalyk etmek, bir işi etmegi goýbolsun etmek, soňa goýmak.

**ÝALTANMAKLYK,** *iş ady.* Ýaltanmak ýagdaýy.

**ÝALTANMAZAK,** *syp.* Ýaltanmagy bilmeýän, ýaltalyk etmeýän. *Ol ýaltanmazak adamdy.*

**ÝALTANMAZLYK,** *işl.* Ýaltanmagy bilmezlik, ýaltalyk etmezlik. *Işde ýaltanmazlyk gerek.*

**ÝALTANYŞ,** *iş ady.* Ýaltanmak ýagdaýy.

**ÝALY** [ýa:ly], "Meňzeş, kimin, dek" ýaly sözleriň manysynda gelip, deňeşdirmegi aňladýan sözsoňy kömekçi. *Atasy ýaly är ýigit bolsun!* (Alkyş).

**ÝALYM-ÝULUM: ýalym-ýulum etmek** biriniň ýüzüne gülümsirän bolmak, ýaranjaňlyk etmek.

**ÝALYN,** *at.* Ýiti howurly, çabyrap duran ot. *Onuň möwç urýan ýalny ýokaryk galyp, asmana dilini ýalmandyrýardy* (A. Gowşudow).

**ÝALYNJA,** *syp., gepl.d., ser.* **Ýalynjaň.** *Ile gülünji bolandan, äre ýalynja bol* (Nakyl).

**ÝALYNJAŇ,** *at, ser.* **Ýaranjaň.**

**ÝALYNJAŇLYK,** *syp.,ser.* **Ýaranjaňlyk.**

**ÝALYNLAMAK,** *işl.* Ýalynly ýanmak, ýalyn çabyrap ýanmak. *Gury palaç we gaýry süplük-saplyklar gowy ot düşen ýaly ýalynlap ýanmaga başlady* (N. Esenmyradow).

**ÝALYNLY,** *syp.***1.** Ýalynlap ýanyp duran. *Ellerindäki ýalynly kesindileri zyňdylar* ("Edebiýat we sungat"). **2.** *göç.m.* Gahar-gazaply, içi ýangynly, güýçli närazylyk bildirýän; bir zada örän gynanýan. *Hamsygyp ýalynly çykdy sözleri, Ýaşdan doldy onuň gara gözleri* (Ç. Aşyrow).

**ÝALYNMA,** *iş ady.* Ýalynmak ýagdaýy.

**ÝALYNMAK,***işl.* Ýaranjaňlyk etmek, ýalym-ýulum etmek. *Jalataýa ýalnyp gün görebilmersiň* ("Görogly").

**ÝALYNMAKLYK,** *iş ady.* Ýalynmak ýagdaýy.

**ÝALT-ÝULT: ýalt-ýult etmek** edebi saklaman, barýan, oturan ýerinde hemme zady görjek bolup, eýläk-beýläk tiz-tiz öwrülip garanjaklamak.

**ÝAMA,** *at.* Geýim-gejimleriň, aýakgabyň we ş.m. zatlaryň ýyrtylan ýerine salynýan bölek mata, gaýyş.

◊ **Ýamasy bitmek** ýerini dolmak, öwezine gelmek, keminiň üsti ýetirilmek, durmuş ýagdaýy gowulanmak. *Pul bolsa, ýamasy bitjek ýalydy, Maksat-myradyna ýetjek ýalydy* (B. Kerbabaýew). **Ýamasy ýerinde** zyýany ýok, deregini dolsa bolar; öz-özünden biter. *Onuň goly ýaman dilnipdir, şeýle bolsa-da, ýamasy ýerinde, biter.*

**ÝAMAÇ,** *at.* **1.** Derýanyň, çaýyň, ýabyň we ş.m. iki gyrasy, kenary. *Ala jaryň ýamajyndaky ýylgynlar ýyldyz bilen bäs edişýärdi* (Ş. Taganow). **2.** Ýapy. *Ýamaçlaryň üstünde harman ýerleri bolan.*

**ÝAMAK,** *at, ser.* **Ýama.** *Durluklaryna näçe ýamak basylan bolsa-da, deşiklerinden görünýän ýyşlaryň sany ýok* (B. Kerbabaýew).

**ÝAMALMAK,** *işl.* Ýama edilmek, ýama salynmak.

**ÝAMALY,** *syp.* Ýyrtygyna ýama salnan, ýama urlan. *Ol gelende, egninde bir köne ýamaly horjuny bardy* (A. Gowşudow).

**ÝAMALYK I,** *syp.*Ýamamak üçin gerekli, ýama etmek üçin niýetlenen (mata ýa-da gaýyş bölegi). *Gedaýa çaryk berseň, ýamalygyny hem dilär* (Nakyl).

**ÝAMALYK II,** *at, maldarç.* Düýe çökende, yzky aýaklarynyň ýere degýän gaty ýeri.

**ÝAMAMA,** *iş ady.* Ýamamak ýagdaýy.

**ÝAMAMAK,** *işl.* Geýim-gejimiň, aýakgabyň ýyrtylan ýerine ýama salmak, ýama urmak.

**ÝAMAMAKLYK,***iş ady.* Ýamamak ýagdaýy.

**ÝAMAMAZLYK,** *iş ady.* Ýama salmazlyk, ýama tikmezlik.

**ÝAMAN I,** *syp.* **1.** Islenilýän talaby ödemeýän, kanagatlanarly däl, erbet. *Ýaman araba ýol bozar* (Nakyl). *Açlyk ýaman zat, az-owlak garbandy* (A. Gowşudow). **2.** Örän, gaty, has, juda. – *Myradaly aga, bu gün ýaman irläpsiň-le – diýip, ondan*

*ýuwaşlyk bilen sorap, onuň ýanynda oturdy* (N. Pomma). **3**. *gepl.d*. Ederini bilýän, dogumly. *Ol gaty ýaman adam, hiç haçan hor bolar öýdemok.*

◊ **Ýaman ada galmak** iliň öňünde abraýdan düşmek, ýaman atly bolmak. **Ýaman ada goýmak** biriniň ýüzüni gara etmek, abraýyny gaçyrmak. *Başlan işini ahyryna ýetirip bilmedi diýen ýaman ada goýaýmasyn, gowy işläliň!* **Ýaman algyly ýaly** hemişe ary köýen ýaly. **Ýaman atly bolmak** gepe ýakyn bolmak, gara donly bolmak. **Ýamandan boýuňy satyn almak** erbet adamdan göwne degişmän, usul bilen araňy açmak, başyňy gutarmak. *"Ýamandan boýuňy satyn al" diýipdirler, üzäýmek gerek, başga alaç ýok! – diýdi* (A. Gowşudow). **Ýaman gözden saklasyn!** göz degmesin, betbagtçylyga uçramasyn, erbet niýetlä duçar bolmasyn. **Ýaman öwrenmek** ýeriň giňinde, mümkinçilik bar wagtynda bir zada halys endik etmek, endik bolmak (azajyk kinaýa bilen aýdylýar). *Eneň-ataň arkasyndan süýjüje zatlary saýlap iýmegi ýaman öwrenensiň.* **Ýamandan ýarty agyz** adamyň tabakda galdyran azajyk naharyny iýdirmek üçin aýdylýan durnukly söz düzümi. **Ýamanyň ýüzi aňryk bolsun!** erbet adam size ýamanlyk etmesin, sizi ýaman pällä duçar etmesin! **Ýaman ýerde gaý tutmak** gyssagara bir zerur zat ýüze çykmak. *Ýaman ýerde gaý tutdy diýleni boldy, ýanymyza ätiýaçlyk teker hem alaýmandyrys.*

**ÝAMAN II,** *at, maldarç.* Düýäniň hamynyň ýuka ýerleriniň çişme keseli.

**ÝAMANJA**, *syp.* Etjek işini bilýän, dogumlyja, pikirlije. *Ol gyzjagaz özüni aldatdyrjak däl, gaty ýamanja eken.*

**ÝAMANLAMA,** *iş ady.* Ýamanlamak ýagdaýy.

**ÝAMANLAMAK,** *işl., gepl.d.* Kimdir birini başga biriniň ýanynda garalap, gürrüňini etmek. *Ýoldaşyňy mugallyma ýamanlasaň, onda özüň hakynda-da gowy pikir döremez.*

**ÝAMANLAMAKLYK,** *iş ady.* Ýamanlamak ýagdaýy.

**ÝAMANLAMAZLYK,** *iş ady.* Esassyz ýere garalap, gürrüňini etmezlik.

**ÝAMANLANMAK**, *işl.* Kimdir biriniň başga biriniň ýanynda garalanyp gürrüňi edilmek.

**ÝAMANLAŞMAK,** *işl.* **1.** Biri-biriňi ýamanlamak. *Biri-birimizi ýamanlaşyp ýörmekden iş bolmaz.* **2.**Bilelikde ýamanlamak. *Ikiňiz hemişe ony ýamanlaşyp otyrsyňyz.*

**ÝAMANLATMAK,** *işl.* Ýamanlamaga mejbur etmek, ýamanlanmagyňa ýol goýmak, mümkinçilik döretmek, ýol bermek. *Her ýetene özüňi ýamanladyp ýörmek bolmaz.*

**ÝAMANLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýamanlamak ýagdaýy.

**ÝAMANLYK,** *at.***1**. Islendik erbet zat, zyýan ýetirmek üçin edilýän hereket (garşylykly manydaky söz: *ýagşylyk* ). *Aý, ata, men saňa näme ýamanlyk edipdim?* ("Görogly"). *Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir* (Atalar sözi). **2.**Ýamana mahsus häsiýetlilik.

◊ **Ýamanlyk ýüzüni görmäsiň** *(alkyş)* işiň şowuna bolsun, betbagtlyga uçrama, erbet ýagdaýa düşme, derde ulaşma.

**ÝAMANMAK,** *işl.* Öz zadyňy ýamamak, özüň üçin ýamamak. *Çokaý ýamanmak.*

**ÝAMAŞGAN** [ýamaşğa:n], *hal, ser.* **Ýamaşgandan.** *Ahyrda ikisi bilelikde ýamaşgan gitmekçi bolýarlar* ("Türkmen halk ertekileri"). *Medet aga ýamaşgan aýbogdaşyny gurdy* (A. Nazarow).

**ÝAMAŞGANDAN** [ýamaşğa:nnan], Täzeden, gaýtadan, ikilenç, ýaňadandan, ýamaşgan. *Ol ýamaşgandan suwa tarap ylgady* (A. Gurbanow).

**ÝAMAŞDYRMAK,** *işl.* Hemmesini ýamap çykmak, bir ýanyndan başlap ýamamak; bolşuna görä ýamamak. *Öýüň ýyrtyk ýerlerini howanyň mazaly gurugançylyk wagty ýamaşdyraýyn* (N. Saryhanow).

**ÝAMAŞMAK,** *işl.* **1**. Ýamamaga kömek bermek. *Howut ýamaşmak.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde ýamamak. *Oglanlar tigriň çüý deşip ýeli giden içkillerini ýamaşyp otyrdylar.*

**ÝAMATMAK,** *işl.* Ýamamak işini başga birine etdirmek. *Köýnek ýamatmak.*

**ÝAMAÝYŞ,** *iş ady.* Ýamamak ýagdaýy.

**ÝAMYZ,** *at.* Buduň çatalba birleşýän ýeriniň iç ýüzi. *Ýat itiň guýrugy ýamzynda* (Nakyl).

**ÝAN** [ýa:n], *at.***1.** Adam ýa-da haýwan bedeniniň sag ýa-da çep gapdaly, böwri. *Ol eli bilen agyrýan sag ýanyny tutdy.***2.** Tarap, ugur. *Haýsy ýana ser salsaň, äpet-äpet depeler ýatyr* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Aýal-gyzlaryň köýneginiň aşyrysynyň goltuk tarapyna, köýnegiň etegine çenli urulýan uzyn mata bölegi. *Keteni köýnegiň ýany.* **4.** Bir zadyň gapdaly, golaýy, ýakyny. *Sürüjiniň ýany boşdy. Men olaryň ýanynda oturdym.*

◊ **Ýan bermek** ýakyn adamyň ölümi, kesel we ş.m. sebäpli asgynlamak, ýata hassa bolmak.*Oglunyň öldi habary gelenden beýläk uzaklaşdyrman, ene ýan berdi.* **Ýan bermezlik** diýeniňi berk tutmak, öz gepiňi gögertmek üçin ýeň bermezlik (*ser*. **Ýeň: ýeň bermezlik**). *Emma ejesi ýan bermedi* ("Şasenem – Garyp"). *– Men muny hak gözünden eşitdim – diýip, Pirguly beg ýan bermedi* (A. Gowşudow). **Ýan janly** adam ölende sadaka diýip öldürilýän ownuk janly (goýun, tokly). **Ýan tazysy ýaly** biriniň yzyna düşüp ýören, biriniň ýanyndan elmydama aýrylmaýan, hemişe bile gezýän. *Ýan tazysy ýaly bolup, hiç Tyllanyň gapdalyndan aýrylanok* (T. Taganow). **Ýanyny alyp durmak** biriniň ýanyndan aýrylmazlyk, durmak, garşysynda, öňünde, gapdalynda, ýanynda köp wagtlap durmak. *Her kimiň öz işi-derdi bardyr, beýdip ýanyny alyp durmaň.* **Ýanyny ýere bermek** agyr syrkawlap ýatmak. *Eňkamy gidip, ýanyny ýere berdi* (H. Derýaýew). **Ýanyň ýere degmesin** esasan, pälwana "göreşde ýykylma" diýlen manyda aýdylýan dileg.

**ÝANAGAÇ** [ýa:nağaç], *at.* **1.** Düýäniň howudynyň iki ýan gapdalyna kese berkidilýän pilsapy ýogynlygyndaky ýogyn agaç (ýanagaç düýä odun ýüklenende howudyň ýyrtylmazlygy üçin

goýulýar). **2.** Gurçuk tutmak üçin telär edilende, iki tarapyna goýulýan agaç.

**ÝANALGA** [ýa:nalğa], *at, deňizç.* Gämileriň gelip ýanalmagy, durmagy hem-de olara hyzmat edilmegi üçin, kenardan deňze tarap uzalyp gidýän desga.

**ÝANALMAK** [ýa:nalmak] **I,** *işl.* Bir zadyň gapdalyna getirilip goýulmak, golaýa getirilmek, ýanaşdyrylyp goýulmak.

**ÝANALMAK** [ýa:nalmak] **II,** *işl.* Nähak ýerden günä ýüklenmek, azar berilmek.

**ÝANALMAK** [ýa:nalmak] **III,** *işl.* Biriniň hatyrasyna at dakylmak. *Kakasynyň adyna ýanalyp, täze bolan çaga at goýuldy.*

**ÝANAMA** [ýa:nama] **I, 1.** *iş ady.* Ýanamak ýagdaýy. **2.** Ýanyn ýatyp, çagaňy emdirme.

**ÝANAMA** [ýa:nama] **II, 1.** *iş ady.* Ýanamak ýagdaýy. **2.** Dutarçynyň, tüýdükçiniň sazyna goşup aýdym aýtma. *Ol ýanama aýdyma başlady.*

**ÝANAMA** [ýa:nama] **III, 1.** *iş ady.* Ýanamak ýagdaýy. **2.** Birini nähak ýere günäkärleme, şyltak, töhmet atma.

**ÝANAMAK** [ýa:namak] **I,** *işl.* **1.** Bir zadyň gapdalyna getirip goýmak, golaý getirmek, ýanaşdyryp goýmak. …*Gämini deryanyň gyrasyna ýanady* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Ýanyn ýatyp, çagasyny emdirmek. *Çagalaryny ýatyryp, kiçisini ýanap gyşaran aýaly: – Pökgen, göwnüme bolmasamy, seniň kellaňdäki öňki akylyň däl ýaly görýän! – diýende, Pökgen onuň sözüniň arasyna düşdi* (A. Gowşudow).

**ÝANAMAK** [ýa:namak] **II,** *işl.* Birini nähak ýerden günäkär etjek bolmak, birine azar bermek.

**ÝANAMAK** [ýa:namak] **III,** *işl.* Ene-atasynyň, doganlarynyň adyna ugurdaş at dakmak. *Onuň ogly bolanda, bäbejige atasynyň adyna ýanap at goýdular.*

**ÝANAMAKLYK** [ýa:namaklyk] **I, II, III,** *iş ady.* Ýanamak ýagdaýy.

**ÝANAR: ýanar ot (oduň içinde)** gaty gyzdyrýan (adam). *Ol ýanar oduň içinde.*

**ÝANARDAG** [ýanarda:ğ], *at.* Çür başyndaky kraterden wagtal-wagtal ot, gyzgyn läbik, kül atylýan ýa-da atylmagy mümkin bolan dag, wulkan. *Hereket edýän ýanardag. Sönen ýanardag. Ýanardag jisimleri.*

**ÝANAŞDYRMAK** [ýa:naşdyrmak], *at.* Biri-birine degrip, degişdirip goýmak, golaý goýup çykmak. *Ol ýerde tokaýyň uzyn agaçlaryndan iki sany pürsi ýanaşdyryp atypdyrlar* (A. Gowşudow).

**ÝANAŞDYRYLMAK** [ýa:naşdyrylmak], *işl.* Biri-birine degrilip, golaý goýulmak. *Üzümiň saýasynda ýanaşdyrylyp goýlan iki kürsi bardy.*

**ÝANAŞMA** [ýa:naşma], *iş ady.* Ýanaşmak ýagdaýy.

**ÝANAŞMAK** [ýa:naşmak], *işl.* **1.** Ýanaşyk durmak, golaý durmak, galtaşmak. *Şol wagt Öwez bilen ýanaşyp barýan Hoşgeldi ýuwaşlyk bilen pyşyrdady* (A. Gowşudow). **2.** *göç.m.* Aragatnaşyk açmak, biri bilen gatnaşyk edip başlamak, iş salyşmak. *Ol ýanaşjak adamsyny bilip ýanaşýar* (A. Durdyýew). *Ýanaşany çürkeýär, Buýra bilmän nebsine* (O. Täçnazarow). **3.** Jyns aragatnaşygynda bolmak.

**ÝANAŞMAKLYK** [ýa:naşmaklyk], *iş ady.* Ýanaşmak ýagdaýy.

**ÝANAŞYK** [ýa:naşyk], *hal.* Biri-biriniň gapdalynda, biri-birine golaý oturan; goňşy. *Ýetginjek golaýda ýanaşyk oturan goşa öýe bakan ýelk ýasady* (G. Kulyýew).

**ÝANAŞYKLYK** [ýa:naşyklyk], *at.* Ýanaşyk ýagdaýda bolmaklyk.

**ÝANAŞYŞ** [ýa:naşyş], *iş ady.* Ýanaşmak ýagdaýy.

**ÝANATMAK** [ýa:natmak] **I,** *işl.* Golaýa getirmek işini başga birine etdirmek. *Ulagy ýüke ýanatmak.*

**ÝANATMAK** [ýa:natmak] **II,** *işl.* Birine azar berdirmek. *Ýalan ýerden ýanatmak, şyltak atdyrmak nämä gerek boldy.*

**ÝANAWUÇ** [ýa:nowuç], *at.* Owuç; bir eliň içiniň sygymy, goşawujyň ýarysy. *Al, bir ýanawuç çaýy onuň içine at. Adam gelmänkä, ajy çaýyň hözirini göreli – diýdi* (N. Pomma).

**ÝANAWUÇLAMA** [ýa:nowuşlomo], *iş ady.* Ýanawuçlamak ýagdaýy.

**ÝANAWUÇLAMAK** [ýa:nowuşlomok], *işl.* Ýanawuç bilen almak, ýanawujy dolduryp almak.

**ÝANBAŞ** [ýa:nmaş], *at.* **1.** But süňküniň çanaklyk bilen birleşýän ýeriniň gapdaly, ýanjyk. *Çyg bolsa, ýanbaşym agyryberýär.* **2.** Adamyň iki gapdaly, tarapy, ýany. *Mürze ýigit atlanar, Han gaşyna, ýar-ýar, Kesgir gylyç ýaraşar, Ýanbaşyna, ýar-ýar* (Toý aýdymy). **3.** Ýabyň derýadan baş alyp gaýdýan ýeri. **4.** Ahal welaýatynda bir obanyň ady.

◊ **Ýanbaşyňa almak** türkmen göreşinde garşydaşyňy bir ýan gapdalyňa göterip ýykmak usuly, emel. *Ýagşymyrat garşydaşyny ýanbaşyna alyp, ýere pylçap urdy* (Ç. Matalow).

**ÝANBAŞLAMAK** [ýa:nmaşlamak], *işl.* **1.** Tirsegiňe daýanyp, ýanyn gyşarmak; ýassygy tirsekläp gyşaryp ýatmak. *Goja bu çagda känbir daşda-içde görnüp ýörmeýärdi, mydama ogly Döwletiň içki tamynda ýanbaşlap, gök çaý süzer ýatardy* (T. Gurbanow). **2.** Kese ýöräp, bir ýana gyşarmak. *Ýanbaşlap dükana girdi* (R. Gelenow).

**ÝANBERMEZ** [ýa:nmermez], *syp.***1.** Her hili kynçylyklara hötde gelip bilýän, ýeňilmeýän, sarsmaz, mizemez. *Taryhda her näçe kynçylyklara duçar gelse-de, ýanbermez halkymyz Altyn asyra başyny dik tutup geldi.* **2.** Örän güýçli, edenli, gaýduwsyz. *Ýanbermez pälwan.*

**ÝANBERMEZLIK** [ýa:nmermezlik], *iş ady.* **1.** Her hili kynçylyklara hötde gelip bilijilik, ýeňilmezlik, sarsmazlyk, mizemezlik. *Watançy şahyryň ýanbermezligi.* **2.** Örän güýçlülik, edenlilik, edermenlik, gaýduwsyzlyk.

**ÝANDAK** [ýannak], *at.* Mal iýmiti, ýalaňy odun hem-de derman serişde hökmünde peýdalanylýan baldagy tikenli, ownuk gyzgylt gülli, kiçi ýaprakly ösümlik. *Ýandak bada-bat güwläp ýandy* (N.

Saryhanow). *Ol küdelere köp ýandak çekdim* (A. Gowşudow).

◊ **Ýandak başynda çorba** mugt.

**ÝANDAKGÜL** [ýannakgül], *at.* Nagyş ady.

**ÝANDAKLYK** [ýannaklyk], *at.* Ýandagyň köpbitýän, ösen ýeri, giden ýandak ösen meýdan. *Bir salym ýöränlerinden soň, bularyň öňünden bir ýandaklyk, garaklyk meýdan çykdy* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝANDYRMAK** [ýannyrmak] **I**, *işl,* **1.** Ot bermek, otlamak, ýakmak, ýanar ýaly etmek. **2.** Gaty gyzdyrmak, güýçli howur bermek. *Tomsuň ot ýaly howry onuň näzik ýüzüni ýandyrýardy* (N. Saryhanow). **3.** *göç.m.* Uly horluga, gynanja sezewar etmek, içini ýakmak, gam-gussa çekdirmek, örtemek. *Dilber, sen meni ýandyrdyň, Bir tükenmez köz biläni* (Zelili).

**ÝANDYRMAK** [ýannyrmak] **II**, *işl.* Wagtynda sagylmanlygy sebäpli, süýdüni yzyna çekmek (sagylýan mallar hakynda).

**ÝANDYRYJY** [ýannyryjy], *syp.***1.** Ot beriji, ýangyn dörediji, otlaýjy. **2.** Güýçli gyzdyrýan, ýakyp-ýandyryp barýan; epgekli, howurly. *Ýasy ýapraklary bilen miwelerini ýandyryjy günden goraýarlar* (A. Gowşudow). **3.** *göç.m.* Gynandyryjy, gam-gussa çekdiriji.

**ÝANDYRYLMAK** [ýannyrylmak] **I,** *işl.* **1**. Ot berilmek, otlanmak, ýakylmak. **2.** Gaty gyzdyrylmak, güýçli howur berilmek. **3.** *göç.m.* Horluga, gynanja sezewar edilmek, gam çekdirilmek.

**ÝANDYRYLMAK** [ýannyrylmak] **II**, *işl.* Süýdüni yzyna çeker ýaly edilmek, süýdi çekiler ýaly ýagdaýa salynmak. *Gijä galyp, sygryň süýdi hem ýandyryldy.*

**ÝANGAZYK** [ýa:nğazyk], *at.* Dokma ýüwürtmek üçin kakylýan dört sany gazyk. *Ýangazyklary oňatja kakyň.*

◊ **Ýangazyga degmezlik** päsgelsiz geçmek.

**ÝANGYÇ** [ýanğyç], **1.** *syp., ser.* **Ýangyr. 2.** *at.* Motorlary herekete getirmek üçin ulanylýan suwuk ýa-da gaz şekilli madda (nebit, benzin we ş.m.). *Maşyna ýangyç guýmak.*

**ÝANGYN** [ýanğyn], *at.* **1.** Ýakmak üçin niýetlenmedik ýerlere, zatlara ot düşmegi netijesinde tutaşyp, daş-töwerege çabyrap ýanýan, weýran ediji uly ot. **2.** *göç.m.* Gaýgy-gam, hasrat, gussa. *Göroglynyň öňki ýangynynyň üstüne bu hem dag bolup degdi* ("Görogly"). **3.** *göç.m.* Jöwza, güýçli yssy, ösýän gyzgyn epgek. *Ýaldyragyň ýangyny.*

**ÝANGYNLY** [ýanğynly], *syp.* **1.** Çendenaşa yssy, jöwzaly. *Ýangynly howa.* **2.** *göç.m.* Birinden ýa-da bir zatdan närazy bolup, jany ýanyp ýören. *Bu näme üçin meniň bilen ýangynly sözleşýärkä?* (B. Pürliýew).

**ÝANGYNLYLYK** [ýanğynlylyk], *at.* Birinden ýa-da bir zatdan ýangynly halda bolmaklyk, närazy halda bolmaklyk.

**ÝANGYR** [ýanğyr], *syp.* Aňsatlyk bilen ýanýan, çalt ýanagan. *Ýangyr agaç.*

**ÝANGYT** [ýanğyt], *at.* Aýdymyň belli bir böleginiň gaýtalamasy. *Ol ýaňky heňiň ýangydyny janagyrylyk bilen berdi* (N. Saryhanow).

**ÝANJAMA,** *iş ady.* Ýanjamak ýagdaýy.

**ÝANJAMAK,** *işl.* Birsyhly, üznüksiz gaýtalap, nygtap durmak, köp aýtmak. *Bu ýerde göze görnüp duran pikir garşylygynyň bardygyny ýanjap oturmagyň hajaty ýok bolsa gerek* ("Edebiýat we sungat").

**ÝANJAMAKLYK,***iş ady.* Ýanjamak ýagdaýy.

**ÝANJAÝYŞ,** *iş ady.* Ýanjamak ýagdaýy.

**ÝANJYK** [ýa:njyk] **I,** *at.* Köplenç, çopanlaryň çakmak, çakgy, otluçöp ýaly ownuk zatlaryny salyp, ýanlary bilen göterýän gaýyş gaby. *Hoşgeldi gaýyş ýanjygyny omzundan asyp, jaýa girdi* (A. Gowşudow).

**ÝANJYK** [ýa:njyk] **II,** *at, ser.* **Ýanbaş.**

◊ **Ýanjygy ýazmazlyk** bir işi ýerine ýetireniň bilen hiç zat bolmazlyk. *Et diýlenini edeniň bilen ýanjygyň ýazasy ýok.*

**ÝANKEJEBE** [ýa:nkejeve], *at.* Içine syrkawy ýa-da wepat bolany salyp, ulaga ýükläp getirmek üçin tagtadan gapyrjaga meňzeş edilip ýasalan esbap. – *Tizden bir ýankejebe bilen garry mamany ýeriň teýinde bolsa-da alyp geliň – diýdi* ("Nejep oglan").

**ÝANLYK** [ýa:nlyk], *at.* Gatyk ýaýmak, toşap guýmak üçin geçi derisinden ýörite taýýarlanan gap. *Aladaňdandan gatyklaryny ýanlyga guýan Zyba howa gyzýança gatygyny ýaýyp boldy* (Ý. Mämmediýew).

◊ **Ýanlyk atarmak** içi gatykly ýanlygy çatydan asmak.

**ÝANMA**, *iş ady.* Ýanmak ýagdaýy.

**ÝANMAK,** *işl.* **1.** Ot alyp tutaşmak. *Çopan ody şatyrdap ýanýardy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Ýagty bermek, yşyk bermek. *Ol ýanyp duran onluk çyranyň ýagtysyna kitap okaýardy* (A. Gowşudow). **3.** Gyzgyn zadyň täsiri bilen ýakylmak. *Ýag syçrap, elim ýandy.* **4**. Gyzgyn zadyň howry netijesinde garalmak, reňki üýtgemek. *Ýalap geçýär bu şemal, Ýanan ýadaw ýüzleri* (A. Nyýazow). **5**. Gaty yssy howada suwsuzlyk zerarly guramak, solup gitmek. *At jylawyny çekip alyp, güne ýanan gury ota agzyny urdy* (G. Kulyýew). **6**. *göç.m.* Horluk görmek, azap çekmek, kösenmek. *Şol gije öňem ukusyzlykdan ýanýan Dursun eje aýratyn horlandy* (T. Taganow). **7.** *göç.m.* Dogumlylykdan ýaňa gözleri uçganaklap durmak. *Gözleri ýanyp duran ýigitler.* **8**. *göç.m.* Gyzmak, gyzgyny artmak. *Maňa azajyk wagt hem bolsa oturuw ýok, meniň dabanym lowlap ýanýar* (A. Gowşudow).

◊ **Ýanyp duran ot** başarjaň, gujurly, edermen, dogumly. *Ol adam ýaşka ýanyp duran otdy.*

**ÝANMAKLYK,** *iş ady.* Ýanmak ýagdaýy.

**ÝANMA-ÝAN** [ýa:nma-ýa:n], *hal.* Biri-biriniň ýanynda, gapdalynda, ýanaşyk, ýakyn, golaý. *Olar ýanma-ýan ýöräp barýardylar.*

**ÝANMAZLYK,** *iş ady.* Ot almazlyk, otlanmazlyk.

**ÝANPYÇAK** [ýa:npyçak] Gyna salnyp, guşaga dakylyp ýanyň bilen göterilýän uly bolmadyk, çaklaňja pyçagyň (gezligiň) bir görnüşi.

**ÝANÖRE** [ýa:nö:rö], *at.* Jykyryň suw çykarýan çarhyny saklamak üçin dikilýän ýogyn agaç, sütün.

**ÝANSALMA** [ýa:nsalma], *at.* Ene ýapdan gapdala çekilýän kiçi ýap. *Kynçylyk bilen suw içýän alaňrak ýerlere bakan ýansalma çekmek üçin gelipdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝANTAMA** [ýa:ntama], *iş ady.* Ýantamak ýagdaýy.

**ÝANTAMAK** [ýa:ntamak], *işl., gepl.d., ser.* **Ýanamak I**. *Abdy erkekleri suwly çeleklere ýantap çökerişdirdi: – Indi näme aňkaryşyp dursuňyz?! – diýip, ilki bilen çelekleri ýüklemäge durdy* (B. Gurbanow).

**ÝANTAMAKLYK** [ýa:ntamaklyk], *iş ady.* Ýantamak ýagdaýy.

**ÝANTAŞMAK** [ýa:ntaşmak], *işl., ser.* **Ýanaşmak 1.** *Onuň bilen ýantaşyp oturdy.*

**ÝANWAR**, *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň birinji aýy. *Daşarda ýanwar aýynyň aýazly agşamy bolsa häli düşüpdi* (N.Saryhanow).

**ÝANYK, 1.** *syp.* Oda, gyzgyna we ş.m. zada ýanan, köýen. **2.** *at.* Bedeniň ýa-da başga bir zadyň ýanan ýeri, ýanmakdan galan tegmil, yz.

**ÝANYN** [ýa:ny:n], *hal.* Bir gapdalynyň üstüne, bir tarapyna, keseligine. *Şagal diňe bir "hyk" edýär-de, ýanyn ýykylýar* ("Türkmen halk ertekileri"). *Özi hem ýanyn oturyp, tüýdügini zowladyp çalypdyr* (N. Pomma).

**ÝANYNLAMA** [ýa:ny:nlama], *iş ady.* Ýanynlamak ýagdaýy.

**ÝANYNLAMAK** [ýa:ny:nlamak], *işl.* Bir gapdalyňa ýöremek; bir gapdala sowulmak; bir ýanyňa gyşarmak.

**ÝANYNLAÝYŞ** [ýa:ny:nlaýyş], *iş ady.* Ýanynlamak ýagdaýy.

**ÝANYP-BIŞMEK**, *işl.* Bir zada gaty gynanyp, gam çekmek.

**ÝANYŞ**, *iş ady.* Ýanmak ýagdaýy.

**ÝANYŞDYRMAK,** *işl.* Edilen ýagşylyga ýagşylyk bilen jogap bermek, edilen kömegiň aşagyndan çykmak, ýagşylygy gaýtarmak. *Siziň eden ýagşylygyňyzy nädip ýanyşdyrjagymy bilemok.*

**ÝANÝODA** [ýa:nýo:do], *at.* Uly köçäniň gapdalyndan pyýada ýöremek üçin edilen ýol.

**ÝAŇ**, *at.* Sesiň gaýa, boş gaba we ş.m. degip, serpilip gaýtalanmasy; dowamly ýaňlanyp çykýan ses. *Gije-gündiz olaryň sesi arlap, oba ýaň salýardy* (H. Garabaýew).

**ÝAŇA** [ýaňa:], **1.** Tarap, ugur görkezýän kömekçi söz. *Süri bir ýaňa dyzamagy meýil hem etmeýärdi* (B. Gurbanow). **2.**"Üçin, sebäpli, ötri" ýaly manylary aňladýan kömekçi söz. *Ýoluň iki gyrasyndaky baglykdan ýaňa aňyrsyndaky ekin meýdanlary görünmeýär.*

**ÝAŇADAN** [ýaňada:n], *hal, ser.***Ýaňadandan.**

**ÝAŇADANDAN** [ýaňada:nnan], *hal.* Ýamaşgandan, täzeden. *Ýagmyr ýolboýy gürrüň berip gelen habaryny ýaňadandan gaýtalady* (G. Kulyýew).

**ÝAŇAK I,** *at.* Çekge süňkleriniň aşak ýany. *Tegelek ak ýüzünde gyrmyzy ýaňaklary gyzyl almany ýadyňa salýardy* (A. Gowşudow).

**ÝAŇAK II,** *at.* Owsara berkidilen, ýüzi dişli ýasy demirjik. *Ýaňak bet düýelere salynýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÝAŇALAK: bir ýaňalak etmek (bolmak)** bellisini etmek, bir ýüzli etmek, belli bir netijä gelmek. *Şu meseläni bir ýaňalak etmek gerek.*

**ÝAŇKALAŞMA,** *iş ady.* Ýaňkalaşmak ýagdaýy.

**ÝAŇKALAŞMAK,** *işl.* Her kim öz diýenini tutup, oňuşman, ownuk gürrüň edip durmak, ýaňka-ýaňka edişmek. *Biderek ýankalaşyp durmaly, işläli.*

**ÝAŇKALAŞMAKLYK,** *iş ady.* Ýaňkalaşmak ýagdaýy.

**ÝAŇKALAŞYŞ,** *iş ady.* Ýaňkalaşmak ýagdaýy.

**ÝAŇKA-ÝAŇKA: ýaňka-ýaňka edişmek** biri-biriniň sözüne jogap gaýtaryp, oňuşman oturmak.

**ÝAŇLANDYRMAK** [ýaňlannyrmak], *işl.* Ses düşürip owazlandyrmak, ýaňlanar ýaly etmek. *Bagşy säheri ýaňlandyryp aýdym aýtdy.*

**ÝAŇLANMA,** *iş ady.* Ýaňlanmak ýagdaýy.

**ÝAŇLANMAK,** *işl.* **1.** Güýçli ses çykyp ýaýrap gitmek, ses düşüp ýaň bermek. **2.***göç.m.* Söz bilen beýan edilmek.

**ÝAŇLANDYRMA** [ýaňlannyrma] **1.** *iş ady.* Ýaňlandyrmak ýagdaýy. **2.***at, sazç.* Dutarda sazandanyň kakuwdaky eliniň tirsegi kädä ykjam direlip, eliniň ýazgyn aýasy gapagyň üstünde esli wagtlap hallanladylyp duran halatynda emele gelýän ses tilsimi.

**ÝAŇLANDYRMAK** [ýaňlannyrmak], *işl.* **1.** Owaz gatyşykly güýçli ses çykaryp, daş-töwerege ýaýratmak.

**ÝAŇLANYŞ,** *iş ady.* Ýaňlanmak ýagdaýy.

**ÝAŇRA,** *syp.* Biderek köp gürleýän, geplemsek. *Ol: – Iliň-günüň gözünden, ýaňralaryň gürrüňinden çekinmeseňiz, özüňiz biliň – diýdi* (G. Gurbansähedow).

**ÝAŇRALYK,** *at.* Ýaňranyň gylyk-häsiýeti, kesbi. *Ylýas töre özüniň öwünjeň ýaňralygy bilen gürrüňe kellesini gyzdyryp, güni öýländen agdyrdy* (A. Gowşudow).

**ÝAŇRAMA,** *iş ady.* Ýaňramak ýagdaýy.

**ÝAŇRAMAK,** *işl.* Biderek gürrüň etmek, agzyňa gelenini aýdyp oturmak.

**ÝAŇRAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaňramak ýagdaýy.

**ÝAŇRAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden, birden köp bolup bilelikde ýaňramak.

**ÝAŇRATMAK,** *işl.* **1.** Ýaňramaga mümkinçilik bermek. *Ony ýaňradyp oturma, goý tizräk gitsin.* **2.** Bilgeşleýin gepledip, gerek maglumatyňy almak. *Ony birsalym ýaňratsaň, hemmesini özi aýdyp berer.*

**ÝAŇRAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaňramak ýagdaýy.

**ÝAŇSY,** *at.* Göwnüýetmezçilik etmek, gepi başga ýana sowmak ýa-da üstünden gülmek maksady bilen biriniň aýdan sözüni kesä çekip, oýna salyp edilýän gürrüň. *Ol bu sözden ýaňsy äheňini aňlady.*

◊ **Ýaňsa almak** kesä çekmek, üstünden gülmek, göwnüýetmezçilik etmek. *Atamyrat gotur gojanyň sözüni ýaňsa alyp, ajy ýylgyrdy* (B.Seýtäkow).

**ÝAŇSYLAMA,** *iş ady.* Ýaňsylamak ýagdaýy.

**ÝAŇSYLAMAK,** *işl.* Ýaňsyly gürrüň etmek. üstünden gülmek maksady bilen biriniň sözüni kesä çekmek.

**ÝAŇSYLANMAK**, *işl.* Ýaňsa sezewar bolmak. *Sen, Atajyk, ýeke özüň gidiberdiň, çöpden-çöre uruberdiň! – diýip, ýaňsylap gülüşdiler* (A. Durdyýew).

**ÝAŇSYLAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden ýaňsylamak; birnäçe bolup ýaňsylamak. *Gaýtam, onuň gürrüňini ýaňsylaşyp, gülşüp, her kim öýli-öýüne gitdi* ("Görogly").

**ÝAŇSYLATMAK,** *işl.* Ýaňsa aldyrmak.

**ÝAŇSYLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaňsylamak ýagdaýy.

**ÝAŇSYLY,** *syp.* Ýaňsa alynýan, ýaňsylanýan. *Ýigidiň ýaňsyly sözleri hasapçy gyzlaryň çetine degdi* (N. Jumaýew).

**ÝAŇY I,** *syp., kön.s.* Täze. *Ýörişini ýalňyş basdyr, Ýaňy don geýmän ýigide* (Magtymguly).

**ÝAŇY II,** *hal.***1.** Az wagt mundan öň; ýakynda. **2.** Bary-ýogy, diňe. *Onuň ýaňy on alty ýaşy bar.*

**ÝAŇYJA**, *hal.* Azajyk wagt mundan öň, ýaňyň özünde. *Çarwa mergen ýaňyja demlän tüňçesini bir-iki gezek agdardy* (B. Gurbanow).

**ÝAŇYLMAK,** *işl., k.d.* Ýalňyşmak. *Bihasap uçan guş gonan ýerini ýaňylar* (Nakyl). *Ýaňylmagaý sen, eý köňül* (Andalyp).

**ÝAŇYLTMAÇ,** *at, edeb.* Içinde birmeňzeş sözler, sesler gaýtalanyp getirilip, çagalaryň dilini ýençmek üçin hyzmat edýän halk döredijiliginiň bir görnüşi. *"Birje çemçe şorja serçe çorbasy"diýen ýaňyltmajy bir demde üç gezek gaýtalaň.*

**ÝAŇY-ÝAKYNDA** [ýaňy-ýaky:nna], *hal.* Mundan biraz öň, öňräk, täzelikde. *Ol ýaňy-ýakynda kyrk ýaşynyň toýuny toýlady.*

**ÝAŇY-ÝAŇY**, *hal.* Soňky döwürde, soňky wagtda. *Dodagy ýalama oglanyň herremsekligine ol ýaňy-ýaňy düşünýärdi* (B. Kerbabaýew). *Ol ýaňy-ýaňylaram aýak ýalaňaç ylgap ýören oglanjykdy.*

**ÝAŇZYDYŞ,** *iş ady.* Ýaňzytmak ýagdaýy.

**ÝAŇZYTMA,** *iş ady.* Ýaňzytmak ýagdaýy.

**ÝAŇZYTMAK,** *işl.* Gönüläp aýtman, çala duýdurmak, çala aňlatmak, ýatlatmak.

**ÝAŇZYTMAKLYK,** *iş ady.* Ýaňzytmak ýagdaýy.

**ÝAŇZYTMAZLYK,** *iş ady.* Ýaňzydyp aýtmazlyk.

**ÝAP I: ýagdaýyny, ýapyny bilmezlik** bir iş ediljek bolnanda onuň nähili edilişini, amala aşyrylyşyny bilmezlik. *Her bir işiň ýagdaýyny, ýapyny bilmeseň, kynçylyk çeken ýeriň köp bolýar.*

**ÝAP II**, *ownuk b.* Başy "ýa" bilen başlanýan käbir hallaryň, sypatlaryň öňünden gelip, güýçlendiriji öwüşgin berýän bölek. *Ýap-ýagty jaý. Ýap-ýaşyl ýaprak. Ýap-ýaňy gördüm.*

**ÝAP** [ýa:p], *at.* Suw akdyrmak, goýbermek üçin çuň bolmadyk aryk, salma.

**ÝAPAÇ,** *at.***1.** Pessejik, kiçijik ýatyş telpegi. **2.** Pessejik ýapgyt ýer. **3.** Düýäniň örküç ýüňi.

**ÝAPAGA** [ýapağa], *at.* Ýaşajyk taý. *Eşek kürresini küle getir, ýaby ýapagasyny – çöle* (Nakyl).

**ÝAPAK,** *at, ser.* **Ýapaga.** *Baýtal ýapagyny çekermiş çöle, Eşek kürresini küle getirmiş* (Magtymguly).

**ÝAPAŞAK** [ýapaşa:k], *syp.* Eňňit, ýapgyt ýer. *Ýapaşak ýer.*

**ÝAPAŞAKLYK** [ýapaşa:klyk], *at.* Eňňitlik, ýapgyt halda bolmaklyk. *Ol baýyrdan ýapaşaklygyna eňdi.*

**ÝAPBAŞDYRMAK,** *işl.* Içi boş zadyň üstünden basyp, ýere ýazmak, ýapbaşyk etmek.

**ÝAPBAŞMAK,** *işl.* Ýapbaşyk bolmak, ýapbaşyk hala öwrülmek.

**ÝAPBAŞYK,** *syp.* **1.** Agyr zadyň aşagynda galyp ýapbaşan. *Ýapbaşyk bedre.* **2.** Beýik däl, pes. *Gelen inçe uzyn, gaşlak, egni çäkmenli, ýapbaşyk telpeklidi* (B. Soltannyýazow).

**ÝAPBAŞYKLYK,** *at.* Ýapbaşyk halda bolmaklyk, ýepbeşiklik, ýemşiklik.

**ÝAPBYLDAK** [ýapbyllak], *syp.* **1.** Pes heň bilen aýdylýan (aýdym hakynda). *Bagşy ilki bilen Nowaýydan ýapbyldak heňlerden başlady* (B. Kerbabaýew). **2.** Çyplaň, ýeňil eşikli. *Aty ýapbyldak münmek.* **3.** Öz maýdalyna, öz ýöreýşine. *Ol atyny ýapbyldak sürüp barýardy.*

**ÝAPDYRMAK,** *işl.* **1**. Ýapmak işini başga birine etdirmek. *Ol ýel ýatýança penjireleri, gapylary ýapdyrdy.* **2.** Ýasalan hamyry gyzan tamdyryň ýüzüne ýapmak işini başga birine etdirmek. *Oglunyň ýola gitjekdigi üçin, ejesi gelinlere iki tamdyr çörek ýapdyrdy.*

**ÝAPGYT,** *syp.* Birneme eňňit, dik däl, ýapaşak. *Gumuň bäri ýapgydynda hiç hili ösümlik ýokdy* (B. Seýtäkow).

**ÝAPGYTLAMAK,** *işl.* Ýapgyt bilen ýöremek. *Ol baýyrdan ýapgytlap aşak indi.*

**ÝAPJA,** *syp.* Birine garaşly, bagly bolup gün görýän (adam).

**ÝAPJALYK,** *at.* **1.** Gün-güzerany birine garaşly halda bolmaklyk, birine baglylyk. **2.** *ser.* **Ýaranjaňlyk.** - *Belki, bu hem täze gelen ýigide ýapjalyk edip salam berýändir – diýip, kinaýasyny ýetirdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝAPLAMA,** *iş ady.* Ýaplamak ýagdaýy.

**ÝAPLAMAK,** *işl.* **l.** Bir zady ikinji bir zada söýemek, diräp goýmak. *Ýykylmaz ýaly, bugdaýly çuwallary biri-birine ýaplap goýdy.* **2.** *gepl.d., göç m.* Birine günä ýüklemek, gara sürtmek, ýapmak. *Annadurdy oňa şyltak baryny ýaplap, hondan bärsi iş eden däldirin öýdenok* (N. Pomma). **3.** *gepl.d.* Urmak, ýelmemek, ýençmek. *Onuň kebzesine ýaplady.*

**ÝAPLAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaplamak ýagdaýy.

**ÝAPLAMAZLYK,** *iş ady.* Ýaplamak işini amal etmezlik.

**ÝAPLANMAK,** *işl.* Bir zada söýenmek, agramyňy atmak. – *Geliber, Körpe, bärik! – diýip,*

*ýaşuly ýaplanyp ýatan ýerinden gygyrdy* (N. Esenmyradow).

◊ **Ýaplanyp ýatmak** iş etmän ýatmak.

**ÝAPLANMAZLYK,** *iş ady.* Ýaplanman durmak, oturmak.

**ÝAPLAŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Bir ýan ujundan söýäp çykmak, hemmesini ýaplamak, söýemek. *Doly haltalary ýaplaşdyryp goýdy.* **2.** *gepl.d., göç.m.* Çem gelen ýerine urmak, saýgylamak, yzly-yzyna urmak. *Köse Bozdumanyň kä gapyrgasyna, kä kellesine ýaplaşdyryp gidiberdi* ("Görogly").

**ÝAPLAŞMAK,** *işl.* **1.** Ýaplamaga kömek bermek. *Çuwallary diwara ýaplaşmak.* **2.** *gepl.d.* Çem gelen ýerine birnäçe bolup urup durmak.

**ÝAPLATMAK,** *işl.* Ýaplamak işini başga birine etdirmek.

**ÝAPLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaplamak ýagdaýy.

**ÝAPLYK** [ýa:plyk], *at.* Ýabyň köp ýeri, köp ýaply ýer.

**ÝAPLYKMAK,** *işl.* Üstünden basylmagy sebäpli, mäkäm ýapbaşmak, baslykmak (ýüň, pagta we ş.m.). *Ýaplygan ýüň.*

**ÝAPMA I,** *iş ady.* Ýapmak ýagdaýy.

**ÝAPMA II,** *at.* Iýmit önümlerini uzak wagtlap saklamak üçin ýörite gaba salmaklyk, gaplamaklyk. *Ýapma hyýar.*

**ÝAPMAK,** *işl.* **1.** Biriniň ýa-da bir zadyň üstüni örtmek, basyrmak. *Özi keltekçesinde galyp, içmegini onuň üstüne ýapdy* (B. Gurbanow). **2.** Çykdajynyň ýerini doldurmak, öwezini dolmak. **3.** Baglamak, beklemek. *Onuň bir taý aýnasyny şemal ýapansoň, turup ony açdy* (A. Durdyýew). **4.** Bişirmek üçin tamdyryň ýüzüne ýelmemek. *Gyňaçlarynyň ujy bilen billerini berk guşap, aýallar tamdyra nan ýapýardylar* (N. Pomma).**5.** Işlemegini goýbolsun edip, işini ýatyrmak. *Kärhananyň ykbaly öz elimizde – gowy işlesek, gowy ýaşarys, gowy işlemesegem – ýaparlar.* **6.** Bes etmek, tamamlamak. *Ýygnagy ýapmak.* **7.** Sylap, hormatlap egnine halat atmak, peşgeş bermek. *Serpaý ýapmak.* **8.** *gepl.d.* Urmak, çalmak. *Bardy-geldi, bir pişik gapdalynda daranaýsa, pişigiň böwrüne eliniň tersi bilen ýapardy* (A. Durdyýew). **9.** *göç.m.* Biriniň üstüne günä ýüklemek, betgüman bolup töhmet atmak. *Men günäsiz adama günä ýapyp bilmerin. Birine ogurlyk ýapmak.*

**ÝAPMAKLYK,** *iş ady.* Ýapmak ýagdaýy.

**ÝAPMAZLYK,** *iş ady.* Ýapmak hereketini etmezlik.

**ÝAPON** [ýapo:n], *at, ser.* **Ýaponlar**. *Ýapon dili. Ýapon halky.*

**ÝAPONLAR** [ýapo:nlor], *at.* Ýaponiýanyň esasy ilaty, halky.

**ÝAPRAK** [ýapyrak], *at.* **1.** Ösümlikleriň pudaklarynda we çybyklarynda ýazda açylyp, güýzde düşýän, dürli şekilli, ýaşyl reňkli ýasy bölegi. **2.** Gelin-gyzlaryň köýnekleriniň öňüne dakynýan ýapraga meňzeş gulply kümüş şaýy, apbasy.

**ÝAPRAKLAMA** [ýapyraklama], *iş ady.* Ýapraklamak ýagdaýy.

**ÝAPRAKLAMAK** [ýapyraklamak], *işl.* Ýaprak çykaryp başlamak, ýaprak emele gelmek.

**ÝAPRAKLAMAZLYK** [ýapyraklamazlyk], *iş ady.* Ýaprak çykarmazlyk.

**ÝAPRAKLAÝYŞ** [ýapyraklaýyş], *iş ady.* Ýapraklamak ýagdaýy.

**ÝAPRYK** [ýapyryk], *syp.***1.** Ýapyrylyp duran, pessejik. *Çep tarapymyzdaky ýapryk tamlardan bolsa şaňk-şaňk çekiç sesleri eşidilýärdi* (B. Kerbabaýew). **2.** Pes boýly, gysga. *Ýagyrnysy tüňňüräk, ýapryk bir adam sesini sandyradyp gepledi* (B. Kerbabaýew).

**ÝAPY I**, *at.* Depäniň we beýikligiň ýapgyt ýeri, aşak inýän ýüzi. *Ol jaý kiçiräk ýapynyň üstündedi.*

◊ **Ýapa degirmezlik** ýalan sözlemek, çypdyrmak. *Halypa, batyr, gaty görme, myçansyň, asyl ýapa-da degren dälsiň* (B. Kerbabaýew). **Ýapy ýaly** dolmuş, gerdenlek, daýaw, göwresi uly. *Annaguly söwedeň, garaýagyz, burunlak, ýapy ýaly pyýada bolup ýetişdi* (A. Durdyýew).

**ÝAPY II,** *at.* **1.** Bir zadyň üstüni, agzyny ýapmak üçin gerek bolan zat. *"Tamdyryň agzy ýapysyz galypdyr" diýip zeýrendi* (A. Gowşudow). **2.** Ýara ýapylýan melhem, melhemli daňy. *Bu ýapylary näme üçin ýapdyňyz?*

**ÝAPYK,** *syp.* **1.** Ýapylyp goýlan, ýapylan. *Ýapyk gapy.* **2.** Gulply, bagly. *Häzir arakesme wagty, gazly suw satýan dükançalar ýapykdyr.* **3.** Üsti örtülen, basyrylan. *Aşaky gatynda ýapyk bazar hem bardy* ("Edebiýat we sungat"). **4.** Kesekiler üçin barmak gadagan edilen, gizlin.

◊ **Ýapyk bogun** *dil b.* soňy çekimsiz ses bilen gutarýan bogun.

**ÝAPYKLYK,** *at.* Ýapyk halda bolmaklyk. *Içeriniň dymyklygy aýnalaryň ýapyklygyndan eken.*

**ÝAPYLMAK,** *işl.* **1.** Biriniň ýa-da bir zadyň üsti örtülmek, basyrylmak. *Hyýarlaryň üsti ýörite örtgi bilen ýapyldy.* **2.** Baglanmak, beklenmek. *Agşam sowugy düşende, penjireler ýapyldy.* **3.** Bişirmek üçin gyzan tamdyryň iç ýüzüne ýelmenmek. *Çörek ýapylmak.* **4.** Kärhananyň, edaranyň işi bes edilmek. *Netijesiz işleýän kärhanalar ýapyldy.* **5.** Tamamlanmak. *Ýygnak ýapyldy.* **6.** Sylag-hormat edip, halat atylmak, peşgeş berilmek. *Egnine halat ýapylan, Gelende aty tutulan...* (Halk döredijiliginden). **7.** *göç.m.* Biriniň üstüne günä ýüklenmek, töhmet atylmak. *Bigünä töhmet ýapylsa, adama agyr deger. Kimdir birine ogurlyk ýapylmak.*

**ÝAPYNJA,** *at.* **1.** Egne atmak üçin ýörite taýýarlanýan ýeňsiz daşky eşik; ýapynja edinilýän çäkmen, don. *Ýaz ýapynjaňy ýanyňdan goýma, gyşda halanyňy et* (Nakyl). *Çadyryň kölegesine ýapynja düşäp berdiler* ("Görogly"). **2.** Ýorgan, üstüňe ýapar ýaly zat. *Üstüniň ýeňil ýapynjasyny serpdi, ýerinden turdy* (B. Kerbabaýew).

**ÝAPYNJALYK,** *syp.* Ýapynja etmek üçin niýetlenen.

**ÝAPYNMAK,** *işl.* **1.** Üstüňi basyrmak, örtmek. *Onsoň Hudaýberdi pälwan agşam possunyny ýapynyp ýatýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2.** Özi üçin bişirmek. *Tamdyra kakmaç ýapyndym.*

**ÝAPYR,** *at. ösüml.* Gumda, dagda bitýän ýaprakly, sary gülli, ýere ýazylyp ösýän ot.

**ÝAPYRMA,** *iş ady.* Ýapyrmak ýagdaýy.

**ÝAPYRMAK,** *işl.* **1.** Kellä geýilýän zatlary aşak basyp geýmek, çümürmek. *Telpegini ýapyryp, tigrine mündi.* **2.** Gulak gypmak, ýatyrmak. *Gyrat agzyny açyp, gulaklaryny ýapyryp, ýer peşeläp topulyp durýar* ("Görogly"). **3.** *göç.m.* Bir ýanyndan gypyrtmak, ýok etmek. *Ata çykyp, ynsy-jynsy ýapyryp, Bir ujundan baryn gyrdy-da gitdi* (Magtymguly). **4.** Ýere ýykmak, egmek, ýazmak. *Aýagyndaky ägirt ädikleri bir çogmak gamşy basyp, ýere ýapyrypdy* (N. Jumaýew).

**ÝAPYRYLMAK,** *işl.* **1.** Aşak basylyp geýilmek, çümre geýilmek. **2.** Egilmek. *Çapyksuwar atyň uýanyny deňläp ýapyryldy.*

**ÝAPYRYLYŞMAK** [ýapyrlyşmak], *işl.* Birnäçe bolup, ýerli-ýerden ýapyrylmak. *Kelleleri kiçijik papakly çapyksuwarlar bolsa ýapyrylyşdylar* (A. Gowşudow).

**ÝAPYRYŞ,** *iş ady.* Ýapyrmak ýagdaýy.

**ÝAPYŞ,** *iş ady.* Ýapmak ýagdaýy.

**ÝAPYŞAK I,** *at. ösüml.* Daşy tüýjümek, uzyn çogdam däneli haşal ot, bürmek.

**ÝAPYŞAK II,** *at.* Enesiniň ýatgysyna ýapyşyp ölüp galan çaga. *Emma aýal ýapyşagym bardy diýip, hilegärlik etdi* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýapyşak ýaly** ýapyşyp ýatan, sypdyrman ýören (adam hakynda).

**ÝAPYŞALGA** [ýapyşalğa], *at.* **1.** Ýapyşar, tutar ýaly zat, tutawaç. *Basgançagyň iki gyrasynda ýapyşalga bar.* **2.** *göç.m.* Bir iş ýüze çykanda ýüz tutulýan, kömegine garaşylýan adam, kömek edip biljek adam. *Bar ýapyşalgam sensiň. Ol ýapyşalga tapmady* (B.Kerbabaýew).

**ÝAPYŞDYRMAK,** *işl.* Bir ýan ujundan yzygiderli suratda ýapyp çykmak (hemme manysynda). *Ol gowy görýän zatlarynyň üstüni ýapyşdyrdy* (N. Saryhanow). *Ol aýranly gaplaryň agzyny pugta ýapyşdyryp, işini birýüzli etdi-de, öýe girdi* (Ý. Mämmediýew).

**ÝAPYŞMAK I,** *işl.* 1. Ýapmaga kömek etmek. *Gonşyma kümesiniň üstüni ýapyşdym*. 2. Bilelikde ýapmak. *Gazanyň başynda iki sany aýal çelpek ýapyşyp dur.*

**ÝAPYŞMAK II,** *işl.* **1.** Biriniň bir ýerinden, elinde we s.m.pugta tutup aslyşmak. *Eşek ýaly goýun itleri ala zenzele turzup, atlaryň guýrugyndan ýapyşyp, bir gapdala çekýärdiler* (B. Seýtäkow). *Çukurdan çykyp bilmeýän bolsaň, elimden ýapyş, çekeýin.* **2.** Bir zady ýerine ýetirmäge çynlakaý girişmek, tüýs ýürekden ýerine ýetirmäge çalyşmak. *Tabşyrylan işe jogapkärçilikli ýapyş.*

**ÝAP-ÝAŇY,** *hal.* Sähel wagt mundan öň, ýaňyň özünde. *Türkmen halky ýap-ýaňy Baýdak baýramyny belläp geçdi.*

**ÝAR** [ýa:r], *at.* 1. *k.d.* Ýoldaş, dost, medetkär. *Ähli türkmen halky saňa ýar bolup, seni goldar, oglum!* ("Görogly"). *Alla ýaryň bolsun.* **2.** Iň eziz, mähriban, söýgüli, magşuk. *Birisiniň ýary yzynda haýran, Gözleri ýoldadyr, bular gelmedi* (Magtymguly). *Gözel ýary wasp etmeýän ýekeje-de aýdym tapmarsyň* (B. Pürliýew).

◊ **Alla ýaryň!** hoşlaşylanda, ugradylanda edilýän dileg.

**ÝARA,** *at.* Teniň bir ýerindäki çiş, baş, sypjyryk, kesik.

◊ **Ýarasyna deglen ýaly bolmak** gaty ynjamak, güýçli täsir etmek. **Ýarasyna duz basmak (sepmek)** adamyň keýpini gaçyrýan, gaty ynjydýan, mazasyny alýan bir zady aýtmak, derdini gozgamak, derdiniň üstüne dert goşmak, könäni agtaryp, oduny ölçermek. **Ýarasyny gozgamak** ýatdan çykyp barýan ünjüsini, azaryny, gaýgy-gamyny ýatlatmak, köne derdini ýadyna salmak, geçmiş hasraty ýatlamak. **Ýarasy ýeňil** şeýle bir kyn zat däl. *Toýa bar äkitmeli zadyň bir goýun bolsa, ýarasy ýeňil-le.*

**ÝARAG** [ýarağ], *at.***1.** Goranmak ýa-da hüjüm etmek üçin ýaraýan gural, serişde. **2.** *göç.m.* Bir zady amala aşyrmak üçin serişde. *Adam üçin iň güýçli ýarag bilimdir.*

◊ **Haram ýarag** elinden hiç bir peýdaly iş gelmeýän, hiç zat başarmaýan. – *Ola-a bir tüýs haram ýaragdyr-la* – *diýip, ýaş gelin jorasynyň ýanynda zeýrenmek zeýrendi.*

**ÝARAGLANDYRMAK** [ýarağlannyrmak], *işl.* **1.** Birnäçe adamy, topary ýarag bilen üpjün etmek, ýarag şaýyny tutmak. **2.***göç.m.* Belli bir maksada ýetmek üçin, bir maksat ugrunda göreşmek üçin gerekli serişde bilen üpjün etmek.

**ÝARAGLANMA** [ýarağlanma], *iş ady.* Ýaraglanmak ýagdaýy.

**ÝARAGLANMAK** [ýarağlanmak], *işl.* **1.** Ýarag, harby enjam edinmek, ýaragly bolmak. **2.** *göç.m.* Bir işi ýerine ýetirmek üçin gerekli enjam, gural, bilim we ş.m. bilen üpjün bolmak.

**ÝARAGLANMAKLYK** [ýarağlanmaklyk], *iş ady.* Ýaraglanmak ýagdaýy.

**ÝARAGLANYŞ** [ýarağlanyş], *iş ady.* Ýaraglanmak ýagdaýy.

**ÝARAGLANYŞYK** [ýarağlanşyk], *at.* Köpçülikleýin ýarag öndürmeklik we goşuny ýarag bilen üpjün etmeklik.

**ÝARAGLY** [ýarağly], *syp.* Ýanynda ýaragy bar bolan, ýarag bilen üpjün bolan, ýaraglanan. *Ýaragly goşun.*

◊ **Ýaragly çaknyşyk** ýaragly uruş, söweş.

**ÝARAGSYZ** [ýarağsyz], *syp.* Ýanynda ýaragy ýok, ýaragy bolmadyk. *Emma häzirki barýan atlylar ýaragsyzdy* (B. Kerbabaýew).

**ÝARAGSYZLANDYRMAK** [ýarağsyzlannyrmak], *işl.* **1**. Ýaragyny almak, ýarag serişdelerinden mahrum etmek. **2.** *göç.m.* Ýaragly göreş alyp barmak hukugyndan, mümkinçiliginden mahrum etmek, ýaragyny elinden alyp, göreşden çetleşdirmek.

**ÝARAGSYZLANMAK** [ýarağsyzlanmak], *işl.* **1.** Köpçülikleýin ýaraglanmagy ýatyrmak, ýarag öndürmegi bes etmek. *BMG-niň Tertipnamasy ýaragsyzlanmak we ýaraglary düzgünleşdirmek*

*işinde döwletleriň hyzmatdaşlygyny göz öňünde tutýar.* **2.** *göç.m.* Ýaragly göreş alyp barmakdan el çekmek.

**ÝARAGSYZLYK** [ýarağsyzlyk], *at.* Ýarag bilen doly üpjün dällik, ýaragy ýokluk.

**ÝARADAN,** *at.* Ähli barlyklary döreden, Alla, Hudaý, Taňry.

**ÝARADAR** [ýarada:r], *syp.* Tenine tyg, ýarag ýarasy düşen, ýaraly.

**ÝARADYLMAK,** *işl.* **1.** Emele getirilmek, döredilmek. *Ýöne fizika üçin welin ol tüýs ýaradylan ýalydy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Ýarar ýaly edilmek, derege geçirilmek. *Hatda çagajyklaryň getiren odun-çöpleri-de derege ýaradyldy.*

**ÝARAK** [ýa:rak], *syp.* Adama, haýwana topulmak häsiýeti bolan, dişlek (it hakynda). *Ýarak it.*

**ÝARAKLYK** [ýa:raklyk], *at.* Ýarmak häsiýeti, gylygy barlyk, dişleklik.

**ÝARALAMA,** *iş ady.* Ýaralamak ýagdaýy

**ÝARALAMAK,** *işl.* Biriniň ýa-da bir jandaryň bedenine ýara salmak. *Emma ol art aýagynyň birini ýere basyp bilmeýärdi, möjekler ony ýaralapdyrlar* (A.Gowşudow).

**ÝARALAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaralamak ýagdaýy.

**ÝARALANMAK,** *işl.* Ýara salynmak, ýaradar bolmak.

**ÝARALAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaralamak ýagdaýy. *Gylyç mergen öz sygryny ýaralaýşyny we awçylykda gören başga gyzykly zatlaryny gürrüň berdi* (A. Gowşudow).

**ÝARALY,** *syp.* Ýara salnan, ýaradar, ýaraty.

**ÝARALYLYK,** *at.* Ýaraly halda bolmaklyk, ýarasy barlyk, ýaraly bolmaklyk, ýaradarlyk, ýaratylyk.

**ÝARAM,** *at.* Ýakym. *Ýagly-ýüzli naharyň adama kän bir ýaramy ýok.*

**ÝARAMA,** *iş ady.* Ýaramak ýagdaýy. *Bu işlere ýarama gerek.*

**ÝARAMAK,** *işl.* **1.** Peýda etmek, ýaramly bolmak, ýakmak. *Bu ýeriniň howasy maňa oňat ýaraýar* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Peýdaly bolmak, islegi kanagatlandyrmak, talabalaýyk bolmak. *Gowaça köp zada ýaraýan çig mal.* **3.** Göwnünden turmak, gowy görmek, halamak. *Aýdym maňa gaty ýarady.* **4.** Taby, gurby bar bolmak; bir zady ýerine ýetirmegi oňaryp bilmek. *Ol indi kömek etmäge ýaraýar.*

◊ **Yzyýarasyn**! merhumyň patasy alnanda aýdylýan dileg.

**ÝARAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaramak ýagdaýy.

**ÝARAMAZ,** *syp.* **1.** Amatsyz; bolmalysyndan pes. *Howa ýaramaz bolansoň, birneme eglenmeli bolduk.* **2.** Hil taýdan pes, talabalaýyk däl. *Baglara ýaramaz ideg edilmeli däldir.* **3.** Gowy däl, erbet. *Ýaramaz hereket. Ýaramaz gylyk.*

**ÝARAMAZÇYLYK,** *at, ser.* **Ýaramazlyk 1.**

**ÝARAMAZLANMAK,** *işl.* **1.** Öňküsinden ýaramaz, erbet bolmak, ýaramazlaşmak. *Häsiýeti ýaramazlanypdyr.* **2.** Hili pes bolmak, hil taýdan erbetlenmek. *Näme üçindir, öndürilýän önümiň hili ýaramazlanypdyr.*

**ÝARAMAZLAŞMAK,** *işl.* **1.** Kem-kemden ýaramaz bolup başlamak, erbet bolup ugramak, gitdigiçe erbetleşmek. *Hassanyň ýagdaýy sagat saýyn ýaramazlaşýardy.* **2.** Hili, ýagdaýy dura-bara peselip başlamak, hili pese gaçyp başlamak. *Üzümiň hili ýaramazlaşdy, şol sebäpden oňa ideg etmekde goýberilen kemçilikler düzedildi.*

**ÝARAMAZLYK I,** *at.* **1.** Ýakymy bolmazlyk, ýaramaz gylyk-häsiýetlilik, dereksizlik, erbetlik. *Nurjahan hem öz doganynyň ýaramazlygy hakynda edilýän gürrüňi diňlemäge onçakly höwesli däldi* (B. Pürliýew). **2.** Hil taýdan pese düşen ýagdaýda bolmaklyk, gowy dällik. *Men ol matany hiliniň ýaramazlygy sebäpli almadym.* **3.** Nähoşluk, gurat dällik, tapsyzlyk, ýarawsyzlyk.

**ÝARAMAZLYK II,** *işl.* **1.** Nähoşlamak, ýarawsyz bolmak. *Ol ýaranok, şonuň üçinem okuwdan galdy.* **2.** Gowy görmezlik, ýakmazlyk, halamazlyk, pisindiň oturmazlyk. *Onuň bolşy, özüni alyp barşy maňa ýaranok.* **3.** Talaby ödemezlik, talaba laýyk gelmezlik. *Seniň ýazan makalaň derde ýaranok.*

**ÝARAMLY,** *syp.***1.** Derde ýaraýan, peýdaly. *Enesine, atasyna, dost-ýaryna, iline-gününe ýaramly bolsun* (N. Pomma). **2.** Derman häsiýetli, ýokumly, lezzetli. *Ýaramly içgiler.* **3.** Bir zat üçin ýaraýan, amatly, oňaýly. *Gaýraky gyryň eteginde ekine ýaramly, özleşdirip boljak ýer köp.*

**ÝARAMLYLYK,** *at.*Ýaramly bolmaklyk, ýaramsyz dällik. *Baýramalynyň howasynyň aýratyn ýaramlylygy sebäpli, bu ýerde böwrek şypahanasy guruldy.*

**ÝARAMSAK,** *syp.* Häsiýetinde ýaranjaňlyk alamatlary duýulýan, sözlände biriniň göwnünden turjak bolýan. *Ýaramsak adam.*

**ÝARAMSAKLYK,** *at.* Ýaramsak häsiýetlilik. *Keçjal gülüp ýaramsaklyk etdi* (H. Ysmaýylow).

**ÝARAMSYZ,** *syp.* **1.** Zada ýaramaz, peýdasyz. *Biz ýaramsyz serişdeleri üzül-kesil suratda zyňyp taşlaýarys.* **2.** Ýokumsyz, lezzetsiz, biderek. *Ýaramsyz iýmit.***3.** Amatsyz, oňaýsyz. *Ekiş üçin ýaramsyz ýer.*

**ÝARAMSYZLYK,** *at.* **1.** Zada ýaramazlyk, peýdasyzlyk. *Enjamlaryň işe ýaramsyzlygy köp zady bökdeýär.* **2.** Ýokumsyzlyk, peýda bermezlik, oňaýsyz täsir etmeklik. **3.** Oňaýsyzlyk, ulanar ýaly dällik. *Bu zatlar işe ýaramsyzlygy sebäpli taşlandy.*

**ÝARAN** [ýa:ra:n], *at.* **1.** Ýakyn gatnaşykda bolýan adam, ýoldaş, hemra. *Bimynasyp ýara ýaran eýlediň* ("Leýli – Mejnun"). **2.** Pikirdeş, duýgudaş adam, tarapyňy tutýan adam. *Ol öz ýaranlary bilen bir çukura tüýkürdi.* **3.** *göç.m.* Hemra, ýoldaş. *Size hemişe üstünlikler ýaran bolsun.* **4.** Iki tarap bolup oýnalýan çaga oýunlarynda bir toparda bolan çagalaryň biri-birine gatnaşygy. **5.** Oglana dakylýan at.

**ÝARANJAŇ,** *at, syp.* Ýaranmagy ýarag edinen, bähbit arap ýaranýan, ýalynjaň.

**ÝARANJAŇLYK,** *at.* Ýaranjaň bolmaklyk, bähbit arap ýaranmaklyk, ýalynjaňlyk. *Edil seniň ýaranjaňlyk edişiň ýaly, ol hem özüni gowy görkezjek bolýardy* (N. Jumaýew).

**ÝARANLYK** [ýa:ra:nlyk], *at.* **1.** Ýakyn dostluk, ýakyn ýoldaşlyk. **2.** Biriniň tarapyny tutmaklyk, tarapdarlyk, duýgudaşlyk.

**ÝARANMA,***iş ady.* Ýaranmak ýagdaýy.

**ÝARANMAK,***işl.* Biriniň göwnüni tapjak bolmak, biriniň göwnüne garap hereket etmek.. *Neneň edip ýaranaýyn, ýar, saňa* (Halk aýdymyndan). *Walla, Nurtäç eje, men-ä size ýaranyp bilmedim* (A. Durdyýew).

**ÝARANMAKLYK,** *iş ady.* Ýaranmak ýagdaýy.

**ÝARANMAZLYK,** *iş ady.* Ýaranjak bolmazlyk.

**ÝARANYŞ,** *iş ady.* Ýaranmak ýagdaýy.

**ÝARAR** [ýara:r], *syp., ser.* **Ýararly.** *Jigitler çuwallaryň ýarar goşlaryny dökmek bilen bile, Babahan arçyny agtardylar* (B. Kerbabaýew). *Mallylar howul-hara ýarar goşlaryny aldylar* (B. Kerbabaýew).

**ÝARARLY** [ýara:rly], *syp.* Derege ýaraýan, bir zat üçin gerekli, ýaramly. *Bu dükanda seniň ulagyňa ýararly zat ýok ýaly.*

◊ **Derde ýararly** bir zat üçin peýdalysy, bir zadyň gowuragy. *Ätiýaçlyk şaýlarynyň derde ýararlysyny ýa satyşdyrdy, ýa geregi çykaýmasyn diýip, özi ýygnap goýdy.*

**ÝARAR-ÝARAMAZ** [ýara:r-ýaramaz], *syp.* Bir zadyň hil taýdan pesi, gowusy däl. *Ol ýygan garpyzlarynyň ýarar-ýaramazyny mala bererin-dä diýip, gyrada üýşürip goýdy.*

**ÝARAŞDYRMAK,***işl.* Tersleşen iki adamy barlyşdyrmak, biri-biriniň garşysyna duşmançylykly hereket etmez ýaly etmek. *Çagalar biri-biri bilen tersleşen wagtlarynda bolsa olaryň näme üçin tersleşendiklerini sorap bilerdi we ýaraşdyrardy* (A. Durdyýew).

**ÝARAŞDYRYJY** , *syp.* Iki tarapy barlyşdyryjy, ylalaşdyryjy.*Ýaraşdyryjy merkez.*

◊ **Ýaraşdyryjy kazyýet** taraplaryň özara erk-islegi esasynda hukuk ulanyş işini (raýat-hukuk jedellerini çözmegi) amala aşyrýan öz-özüni düzgünleşdirýän raýat jemgyýetiniň instituty.

**ÝARAŞMAK I,** *işl.* **1.** Tersleşen, gatnaşygyňy kesen adamyň bilen barlyşmak, ylalaşmak, ýaraşyk etmek. *Men seniň bilen ýaraşmak üçin geldim.* **2.** Urşy ýatyrmak üçin ylalaşyga gelmek. *Taraplaryň ikisi hem ylalaşyga gelip ýaraşdylar.*

**ÝARAŞMAK II,** *işl.* **1.** Gowy gelişmek, gelşikli bolmak, gelüwli bolmak. *Ýoldaşyndan ýaraşýamy diýip gaýta-gaýta sorady* ("Görogly"). *Akja gelin eline akja bäbek ýaraşar* (Sanawaçdan).

**ÝARAŞMAZLYK I**, *iş ady.* Tersleşen, gatnaşygyňy kesen adamyň bilen barlyşmazlyk; ylalaşmazlyk, ýaraşyk baglaşmazlyk, ylalaşyga gelmezlik. *Iki ýoldaş az zadyň üstünde tersleşip, uzak wagtlap ýaraşmadylar*.

**ÝARAŞMAZLYK II**, *iş ady.* Gelşiksiz bolmak, mynasyp bolmazlyk, gelişmezlik. *Tilki awun iýmek şire ýaraşmaz* (Zelili).

**ÝARAŞYK I,** *at.* **1.** Gatnaşyklary bozulan toparlaryň arasyndaky barlyşyk, düşünişmezlikleriň aradan aýrylan ýagdaýy. **2.** Söweşýän taraplaryň urşy ýatyrmak üçin gelýän özara ylalaşygy.

**ÝARAŞYK II,** *at.* Görk, görmek, owadanlyk, gelşik. *Dünýäniň ýaraşygy, durmuşyň gelşigi ynsandyr* (B. Hudaýnazarow).

**ÝARAŞYKLY,** *syp.* Ýaraşyp duran, gelşik berýän, gelşikli. *Inçe biliň, türpe näzik eliň bar, Ak ýüzüňde ýaraşykly halyň bar* (Seýdi).

**ÝARAŞYKLYLYK,** *at.* Gowy gelişmeklik, gelşikli bolmaklyk.

**ÝARATMAK,** *işl.***1.** Emele getirmek, döretmek. **2.** Bir zat üçin ulanmak, peýdalanmak. *Meni goşunçylyga ýaratsalar, dagy men zor edip ýaratdyraýynmy?* (A. Gowşudow). *Munça gumy nämä ýaratjak!*

**ÝARATY,** *syp.* Ok, gülle, ýyrtyjy degip, mejalsyz, gözgyny hala düşen, ýaraly (haýwanlar hakynda). *Garaguşlar on bäş goýny zaýalapdyrlar, üç sanysyny bolsa ýaraty edipdir diýen habary getirdi* (A. Gowşudow).

**ÝARAW** [ýarow], *at.* Sagatlyk, sag jan, ýarawlyk. *Daş ýere gitmäge ýarawym ýok.*

**ÝARAWLYK** [ýarowluk], *at.* Sagatlyk, guratlyk, ýarawlylyk. *Bu gün meniň ýarawlygymyň ugry ýok* (A. Gurbanow).

**ÝARAWSYZ** [ýarowsuz], *syp.* Sagat däl, ýaraw däl, näsag, nähoş. *Ýarawsyz bolsaň, aýak üstünde gezmän, özüňe mazalyja seretdirmek gerek..*

**ÝARAWSYZLYK** [ýarowsuzluk], *at.* Saglygy gowy dällik, näsaglyk. *Ýarawsyzlygy zerarly, esli wagtlap oýna gatnaşyp bilmedi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝARDAM** [ýa:rdam], *at.* Uly işe başlana, ýarawsyza, ýagdaýsyza edilýän kömek, hemaýat, goldaw. *Ene ýardam edenlere alkyş okady.*

**ÝARDAMÇY** [ýa:rdamçy], *at.* Ýardam edýän, kömek edýän, maddy we syýasy taýdan goldaýan.

**ÝARDAMLYK** [ýa:rdamlyk], *at.* Ýardam eder ýaly serişde, goltgy bolar ýaly berilýän zat. *Aýlyk hakyňyzdan ýardamlyk iberjek-dä!* (G. Şamyýew).

**ÝARDYRMAK** [ýa:rdyrmak] **I,** *işl.* Ýarmak işini başga birine etdirmek. *Töňňäni ýardyrmak. Gawun ýardyrmak.*

**ÝARDYRMAK** [ýa:rdyrmak] **II,** *işl.* Ite dişletmek.

**ÝAREMEZAN** [ýa:remeza:n], *at.* Oraza aýy dogan agşamy çagalaryň remezan aýy bilen baglanyşykly aýdym şekilli sanawaç aýdyp, topar-topar aýlanmasy.

**ÝARGAK** [ýarğak], *at.* **1.** Etiň daşyndaky perde, ýary. **2.** *göç.m.* Pena, ýapynja, taşa. *Ýele – ýargak, aýaza–kiz* (Nakyl).

**ÝARGANAT** [ýarğa:nat], *at. haýwanat d.* Garaňky gatlyşandan soň uçup gezýän syçana meňzeş, ýary ganatly süýdemdiriji jandar, körsyçan.

**ÝARGYJAK** [ýarğyjak], *at.* Şalynyň gabygyny arassalamak üçin daşdan edilen gural. *Hyzmatkär çorularymyz ýargyjagyny gatyrak darta bilmeýärdiler* ("Görogly").

**ÝARLY**, *at, gepl.d.* Garyp. *Ýarly ýamanar-da, guwanar* (Nakyl).

**ÝARLYK,** *at.* **1.** *taryh.* Orta asyr hökümdarlarynyň käbir hukuklary berýän haty. **2.** Bir zadyň, harydyň ady, mukdary, taýýarlanylan ýeri, belgisi we ş.m. maglumatlar görkezilip, ýüzüne ýelmenen hat. *Harytlaryň ýarlyklary owadan, reňkli suratlar we ýazgylar bilen taýýarlanýar.*

**ÝARLYKLY,** *syp.* **1.** Ýarlyk dakylan, ýarlygy bar bolan. **2.** *göç.m.* Ýaşaýyş-durmuşy has pese gaçan, garyp düşen.

**ÝARMA** [ýa:rma] **I,** *iş ady.* Ýarmak ýagdaýy.

**ÝARMA** [ýa:rma] **II,** *at.* **1.** Bugdaý, ak jöwen ýaly ekinleriň däneleri iri-iri ýarylyp döwlen önüm. *Ol degirmenden ýarma ýardyryp geldi.* **2.** Ýanan ýagyň içine et, sogan atylyp, gowrulandan soň suw guýlup gaýnadylýan we gaýnan suwa bugdaý ýarmasy atylyp bişirilýän nahar (ýarmany uzak wagtlap gaýnatmaly we bulap durmaly bolýar). *Bu ýigitler bir tabak ýarmany orta alypdyrlar-da, biri eýläk, birem beýläk çekýär* ("Görogly").

**ÝARMAGAPY** [ýa:rmağapy], *at, gepl.d.* Iki taraply, iki tarapa açylyp-ýapylýan gapy. *Onuň jaýynyň ýarma gapysy bolmaly.*

**ÝARMAK** [ýa:rmak] **I,** *işl.* **1.** Bitin zady çapyp, kesip açmak, bölmek. *Garnyny ýaryp, içini, bagryny arassaladylar* ("Görogly"). **2.** Partlaýjy madda bilen weýran etmek, ýykmak, ýumurmak. *Gökdepe galasyny däri bilen ýarypdyrlar.* **3.** *göç.m.* Jaýyň içindäki zady ogurlamak. *Ogurlyk edene, öý ýarana biziň aramyzda orun ýok.* **4.** *göç.m.* Içinden böwsüp çykmak, böwüsmek. *Ýer göwsüni ýaryp çykan mawy ýangyç.*

**ÝARMAK** [ýa:rmak] **II,** *işl.* Dişlemek, dişläp ýara salmak (it hakynda). *It gudurasa, eýesini ýarar* (Nakyl).

**ÝARMAKLYK** [ýa:rmaklyk], *iş ady.* Ýarmak ýagdaýy.

**ÝARMALYK** [ýa:rmalyk] **I,** *at.* Gumda bitýän şaha-şaha baldakly ot. *Titir, köwreýik, akýowşan, guşgözi, ýarmalyk, köjelik güberip tegelenip ugrapdy* (Ç. Matalow).

**ÝARMALYK** [ýa:rmalyk] **II,** *syp.* Ýarma etmek üçin niýetlenen (däne). *Ýarmalyk bugdaý.*

**ÝARMAŞMAK,** *işl.* Ýapgyt beýiklige çykmak, dyrmaşmak. *Oglanlar depäniň üstüne ýarmaşyp çykdylar.*

**ÝARNA,** *at.***1.** Bir zada goşant bolar ýaly zat. *Mallaryna ot taýýarlaýar, çörege ýarna bolar diýip, el degirmeninde mellek ýerlerinden önen jöweni ýarýar* (A. Gowşudow). **2.** Urna, ýama. *Şonuň bilen garybyň garnyna ýokna, ýyrtygyna ýarna bolar diýip hasap edýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝARPA** [ýa:rpa:], *hal.* Eden işiň hakynyň, öndüren önümiň ýarysyny bermek şerti bilen, ýarpasyna. *Ýetim aşy ýarpa bişer* (Nakyl).

**ÝARPASYNA** [ýa:rpa:syna], *hal.* Düşýän haky deň paýlaşmak ýa-da ýarysyny almak şerti bilen ekilýän, ýerine ýetirilýän (ekin, iş we ş.m. zat).

**ÝARPAÇY** [ýa:rpa:çy], *at.* Ýarpasyna işleýän adam.

**ÝARPY** [ýa:rpy], *syp.* **1**. Bir zadyň ýary, ýarysy. **2.** Bitinden galan, ýarty, dolynyň ýarysyna ýeten. *Unumyz hem ýarpy bolupdy.*

**ÝARPYLAMA** [ýa:rpylama], *iş ady.* Ýarpylamak ýagdaýy.

**ÝARPYLAMAK** [ýa:rpylamak], *işl.* **1.** Işiň ýarysyny edip gutarmak, ýarpysyna ýetmek. *Halyçylaryň birentegi dokmalaryny ýarpylapdylar, birentegi bolsa gutaryp barýar* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Bar bolan serişdäniň, puluň we ş.m. ýarysyny harçlamak, ýarpy etmek. *Ýanymyza göteren azygymyzy ýarpylapdyk.*

**ÝARPYLANMAK** [ýa:rpylanmak], *işl.* **1.** Işiň ýarysy edilip gutarylmak. *Işimiz ýarpylandy.* **2.** Bar bolan zadyň, serişdäniň we ş.m. ýarysy harçlanmak.

**ÝARPYLAMAKLYK** [ýa:rpylamaklyk], *iş ady.* Ýarpylamak ýagdaýy.

**ÝARPYLAŞMAK** [ýa:rpylaşmak], **1.** *işl.* Işiň ýarysyna çenli edilmegine kömek bermek. *Jemal dokmany gelnejesine ýarpylaşdym edip, öz işine başlady.* **2.** Ýarysyna golaýlamak, ýarysyna ýetibermek. *Biziňem işimiz ýarpylaşyp baran bolsa gerek.*

**ÝARPYLATMAK** [ýa:rpylatmak], *işl.* Ýarpylamak işini başga birine etdirmek, ýarpylamak derejesine ýetirmek, ýarysy bolýança işletmek. *Men oglanlara döwek döwmegi ýarpylatdym.*

**ÝARPYLAÝYŞ** [ýa:rpylaýyş], *iş ady.* Ýarpylamak ýagdaýy.

**ÝARPY-ÝALTA** [ýa:rpy-ýalta], *hal.* **1.** Zordan, el ujundan, ýüzleý, doly däl-de, kem-käsleýin. *Işi ýarpy-ýalta edip taşlamak gelşiksiz.* **2.** Hemmesi däl, ýek-tük; çalak-çulak, ýüzleý, düýpli däl. *Bu mesele ylmy taýdan ýarpy-ýalta işlenen, ony ymykly işlemek gerek.*

**ÝARSDYRMAK** [ýaryssyrmak], *işl.* Ýarsmagyna sebäp bolmak, ýarsar ýaly etmek. *Ygal tagtalary ýarsdyrypdyr.*

**ÝARSDYRMAZLYK** [ýaryssyrmazlyk], *iş ady.* Ýarsdyrman saklamak.

**ÝARSGYN** [ýarysğyn], *at.*Ýarsyp, öňki durkundan üýtgän görnüşi. *Bu tagtanyň ýarsgynyny düzlejek bolsaň, suwa ýatyryp, daşa basdyrmaly bolar.*

**ÝARSGYNYNA** [ýarysğynyna], *hal.* Ýarsgyn ýagdaýda. *Egri agaç ýarsgynyna gider* (Nakyl).

**ÝARSMA** [ýarysma], *iş ady.* Ýarsmak ýagdaýy.

**ÝARSMAK** [ýarysmak], *işl.* **1.** Öňki durkundan üýtgemek; egrelmek. *Gapy gowy ýapylanok weli, ýarsypdyr öýdýän.* **2.** Bir sebäbe görä, ýüz keşbi, gelşigi üýtgemek. *Ol örän özgeripdir, dogrusy, gaty ýarsypdyr* (G. Gurbansähedow).

**ÝARSMAKLYK** [ýarysmaklyk], *iş ady.* Ýarsmak ýagdaýy.

**ÝARSYŞ,***iş ady.* Ýarsmak ýagdaýy.

**ÝARTMAÇ** [ýa:rytmaç], *at.* Donuň, çäkmeniň, kürtäniň we ş.m. egne geýilýän, başa atylýan eşigiň eteginiň iki gapdalyndaky, yzyndaky dilik ýer. *Donuň ýartmajyndan çykyp duran dutaryň dessesine bir mahaldan soň Harmandäliniň gözi düşdi* ("Görogly").

**ÝARTMAÇLY** [ýa:rytmaşly], *syp.* Ýartmaç edilen, ýartmajy bar bolan. *Olaryň aşak etegi gadymy türkmen donlary ýaly ýartmaçly* ("Edebiýat we sungat").

**ÝARTY** [ýa:rty], *syp.***1.** Tutuş zadyň ýarysy, bitin zadyň deň ýary. *Ýarty garpyz.* **2.** Bir synasyndan jyda düşen, eliniň ýa-da aýagynyň ýarysyny aldyran, maýyp (adam hakynda). *Men indi öňki Garýagdy däl, men ýarty!* (H. Ysmaýylow).

◊ **Ýarty tüýnük** keçäniň gyrasyna tüýnüge meňzedilip salynýan ýarym tegelek nagyş, gül.

**ÝARTYLYK** [ýa:rtylyk], *at.* Maýyplyk.

**ÝARTY-ÝURTY** [ýa:rty-ýu:rty], *syp.* Ownuk-uşak, bölek-büçek. *Ýarty-ýurty kerpiç.*

**ÝARY,** *at, ser.* **Ýargak I.** *Ol gapyrjak tapyp, onuň agzyna ýary tutup, agaçdan sap etdi, gyjak ýasady* ("Edebiýat we sungat").

**ÝARY** [ýa:ry], *hal.* Bir zadyň iki deň bölünen bir bölegi, ýarysy. *Onuň ýaryny maňa goý, ýaryny äkit* ("Görogly").

**ÝARYK** [ýa:ryk]**,** *syp.* Çat açan, jaýryk emele gelen, ýarylan. *Ýaryk gawunlary bir ýere, bitinlerini bir ýere üýşürdiler. At aýlanyp gazygyn tapar, suw aýlanyp – ýarygyn (Nakyl).*

**ÝARYK**, *syp., kön.s.* Ýagty; owadan, gözel. *Husny aýdan ýaryk, katdy nahaldyr* ("Seýpelmelek – Medhal- jemal").

**ÝARYKLY** [ýa:rykly], *syp.* Ýarygy bar bolan.

**ÝARYKLYK** [ýa:ryklyk], *at.* Ýaryk ýagdaýynda bolmaklyk. *Gawunyň bu ýeriniň ýaryklygy onuň süýjüligindendir.*

**ÝARYKLYK** [ýaryklyk], *at.* Ýagtylyk; gowulyk. *Men jebir üçin ýarapdyryn, ömrümde ýaryklyk görmedim.*

**ÝARYK-ÝARYK** [ýa:ryk-ýa:ryk], *syp.* Köp ýeri ýarylan. *Oldurygy süýrenýär, Ökjesi ýaryk-ýaryk* (B. Kerbabaýew).

**ÝARYLAGAN** [ýa:rylağan], *syp.* Ýarylmaga ýakyn, ýarylmasy aňsat.

**ÝARYLMAK** [ýa:rylmak], *işl.* **1.** Çapylyp, kesilip açylmak; bölünmek; bozulmak (bitewi zat hakynda). **2.** Partlaýjy madda bilen weýran edilmek, ýykylmak, ýumrulmak. **3.** Jaýyň içine girilip, gowy zatlar ogurlanmak. **4.** Içinden böwsülip çykmak, böwsülmek. *Pyntyklar ýarylýardy.* **5.** Bir zada urlup ýaralanmak. *Ol garaňkyda barýarka, büdräp maňlaýy ýarylypdyr.* **6.** *göç.m.* Biri ýa-da bir zat hakda gynançly zeýrenmek, ýangynly söze başlamak, içiňi dökmek. *Amanbibi eje onuň peýwagtyna gelmändigini oturyşyndan aňdy. Onýança Hydyrly aganyň özi ýaryldy* ("Edebiýat we sungat"). **7.** *göç.m.* Aýdylan sözi, edilen hereketi gaty görüp, öýkelemek, çişmek. *Kakasy gurjak getirmändigi sebäpli, bäş ýaşly gyz öýkeläp, tas ýarylypdy.*

◊ **Ýaryljak çyban ýarylsyn-da dynsyn** howsala bilen garaşylýan zat, boljak iş, waka bolup gutarsyn, belli bir netije, anyklyk bolsun. *Gamşy gowşak tutsaň, eliňi gyýar. Iň ýagşysy ýaryljak çyban ýarylsyn-da dynsyn* (B.Kerbabaýew).

**ÝARYLMAZLYK** [ýa:rylmazlyk], *iş ady.* Çapylyp, kesilip ýa-da öz-özünden darka bölünmezlik.

◊ **Ýarylmadyk garpyz ýaly** nämedigi belli däl, näbelli, gümana, ikuçly. *Hanym, ol şindi ýarylmadyk garpyz, näme boljagyny kim bilýä?* (B.Kerbabaýew).

**ÝARYLYŞ** [ýa:ryly ş], **1.** *iş ady.* Ýarylmak ýagdaýy **2.** Partlaýjy maddanyň ýarylmamak ýagdaýgy. *Äpet uly ýarylyş bolup, gümmürdi turdy* (A. Gowşudow).

**ÝARYLYŞMAK** [ýa:rylyşmak], *işl.* Kem-kemden ýarylyp başlamak; yzly-yzyna ýarylmak. *Uzakda minalar ýarylyşýardy* (H. Ysmaýylow).

**ÝARYM** [ýa:rym], *at.* Bir zadyň ikiden bir bölegi, deň ýarysy. *Ýarym kilo gant.*

◊ **Ýarym ada** üç tarapyny deňiz gurşap alan, bir tarapy bolsa gury ýere birleşýän ada. **Ýarym adam** bir aýagy ýa-da bir goly bolmadyk; umuman synasy bitin bolmadyk; maýyp. *Ýarym adam – ýeke golly biçäre* (B.Kerbabaýew). *Bu naýynjar görnüşdäki ýarym adamyny aldamak mümkin däldi* (B.Seýtäkow). **Ýarym göwün** durmuşy, ýaşaýşy ýerbe-ýer bolmadyk, durmuşyň ajysyny dadan, göwni synyk. *Bu örän ýuka ýürekli, ýarym göwün adamdy (B.Seýtäkow).* **Ýarym ýalaňaç** egin-eşik bilen üpjün bolmadyk, ýyrtyk-ýirik eşikli.

**ÝARYMLYK** [ýa:rymlyk], *at.* **1.** Ýarym litrlik (gap, çüýşe). *Uly jamda ýagly çorba gelende, Gürgen ýarymlygyň dykysyny açdy* (M. Seýidow). **2.** Ýarym kilogramlyk daş.

**ÝARYMSAK,** s*yp., ser.* **Ýaramsak.**

**ÝARYMSAKLAMAK,** *işl.* Birine gowy görünjek bolmak, ýaramsaklyk etmek.

**ÝARYMSAKLYK,** *at.* Ýaranjaňlyk. *Gurt ýarymsaklyk edýän ýaly bir görnüşde ejizläp sorady* (A. Gowşudow).

**ÝARYM-ÝALTA** [ýa:rym-ýalta], *hal.* Ýarpy-ýalta.

**ÝARYM-ÝAŞ** [ýarym-ýa:ş], *syp.* Gözi ýaşly, gaýgyly, hasratly. *Soltan gyzyny bagryna basyp, ýarym-ýaş aglady* ("Edebiýat we sungat").

**ÝARYŞ** [ýa:ryş] **I,** *iş ady.* Ýarmak ýagdaýy.

**ÝARYŞ** [ýa:ryş] **II,** *at.* Gatnaşyjylar ussatlykda, sungatda, gaty ylgamakda, suwda ýüzmekde we ş.m. biri-birinden ozjak bolýan, öňdelige eýe boljak bolýan bäsleşik çäresi. *Biziň öz aramyzda ýaryşymyz bar* (A. Gowşudow). *Aýdym-saz boýunça geçirilen ýaryş tamamlandy. Sportuň dokuz görnüşi boýunça ýaryşlar dowam edýär.*

**ÝARYŞDAŞ** [ýa:ryşdaş], *at.* Ýaryşa bile gatnaşýan. *Olar ýaryşdaşlaryndan yza galmazlyk üçin, ähli tagallalary edýärler.*

**ÝARYŞDYRMAK** [ýa:ryşdyrmak], *işl.* Ýaryşa goýbermek. *Tigirçileri ýaryşdyrmak. Pagta ýygymçylaryny ýaryşdyrmak.*

◊ **Iki eliňi ýaryşdyrmak** irginsiz işlemek, köp işlemek.

**ÝARYŞMAK** [ýa:ryşmak] **I,** *işl.* Ussatlykda, sungatda, gaty ylgamakda, suwda ýüzmekde we ş.m. biri-biriňden ozjak bolup, öňdelige eýe boljak bolup ýaryşa gatnaşmak.

**ÝARYŞMAK** [ýa:ryşmak] **II,** *işl.***1.** Ýarmaga kömek etmek. **2.** Ýarmakda güýç synanyşmak; bilelikde ýarmak.

**ÝAR-ÝAR** [ýa:r-ýa:r], *at.* Toý aýdymlarynyň bir görnüşi.

**ÝAS** [ýa:s], *at.* Aradan çykana ýa-da köpçülikleýin betbagtçylyga sezewar bolanlara gynanç bildirilip tutulýan matam. *Ýüze uýat gerek, dillere jähek, Ýasyňa märeke, toýuňa sähet* (G. Şagulyýewa).

◊ **Ýasa gelen ýaly** şatlanmaly, begenmeli ýerde ýüzüňi salyp oturmak. **Ýas tutmak** aradan çykana, betbagtçylyk zerarly heläk bolana gynanç bildirmegiň, hasrat çekmegiň alamaty hökmünde matam tutmak.

**ÝASALMAK I,** *işl.* Ýasy görnüşe eýe bolmak.

**ÝASALMAK II,** *işl.*1. Bir zatdan başga bir zat emele getirilmek. **2.** *dil b.* Söz ýasaýjy serişdeleriň kömegi bilen täze söz döredilmek.

**ÝASALTMAK,** *işl.* Ýasy görnüşe getirmek, ýasylamak. *Ussa simi gysaja salyp, çekiç bilen urup, ujuny ýasaltdy.*

**ÝASAMA, 1.** *iş ady.* Ýasamak ýagdaýy. **2.***syp.* Hakyky däl, tebigy bolmadyk, emeli ýol bilen edilen, ýasalan, tebigy däl. *Şol ýasama gülüň ýanynda bir nagyşlanan kagyzda ýadygärlik diýlip ýazylan sözüň aşagynda goşgy ýazylypdyr* (A. Gowşudow). *Ýasama diş.* **3.** *syp.* Içgin bolmadyk, ýürekden däl, il ýüzüne, emeli. *Ýasama ýylgyryş.*

◊ **Ýasama söz** *dil b.* söz ýasaýjy goşulmanyň kömegi bilen ýasalan söz.

**ÝASAMAK,** *işl.* **1.** Täze bir zat döretmek, oňarmak, bejerip taýýar etmek. *Goňşymyz dutar ýasaýar.* **2.** *dil b.* Söz ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen täze söz döretmek. *Goşulmalar esasan söz ýasamaga we sözlemde sözleri biri-birlerine baglamaga hyzmat edýärler.*

**ÝASAMAKLYK,** *iş ady.* Ýasamak ýagdaýy.

**ÝASAMALYK,** *at.* Toslama häsiýetlilik, tebigylykdan daşlyk. *Beýan edilýän wakalar göwnejaý, eserde ýasamalyk ýok.*

**ÝASANMAK,** *işl.* Özi üçin bir zat ýasamak. *Bir agajyň üstünde guşuň özüne höwürtge ýasanandygyny anykladyk.*

**ÝASAŞDYRMAK,** *işl.* **1.** Bir görnüşdäki zatlaryň birnäçesini ýasamak. *Gapy ýasaşdyrmak. Gapak ýasaşdyrmak.* **2.** El ujundan, bolşuna görä ýasap çykmak.

**ÝASAŞMAK,** *işl.* **1.** Ýasamaga kömek bermek. *Myrat aga maňa äpişge ýasaşdy.* **2.** Bilelikde ýasamak. *Agaç ussalary gapy ýasaşyp durdular.*

**ÝASATDYRMAK,** *işl., ser.* **Ýasatmak**. *Men ussa haýyş edip, gowy penjire ýasatdyrdym.*

**ÝASATMAK,** *işl.* Ýasamak işini başga birine etdirmek. *Hojanepes ogluna laýyk dutar ýasadyp berdi* (H. Garabaýew).

**ÝASAW** [ýasow] **I,** *at.* Her bir adamyň özüne mahsus daş görnüşi, sypaty, ýasalyşy. *Ol gözüniň gytagy bilen olaryň ýasawlaryny, hereketlerini synlaýardy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Ýasaw tapmak** hereket tapmak. *Ol gün ýasaw tapar bary gyzlaryň* (Kemine).

**ÝASAW** [ýasow] **II,***at.* Söweş nyzamy. *Ýasaw birle niçe kim desse-desse* (Abdysetdar Kazy).

◊ **Ýasaw dartmak** at-ýaragyňy jemläp ugramak, ýola düşmek. *Gylyç ursa, duşman bary gyrylýar. Ýasaw dartyp, biziň şirler ýetişdi* ("Görogly").

**ÝASAWUL** [ýasowul], *at.* **1.** Ýoly saklaýan atly, nöker. **2.** Tertip-düzgüne seredýän, hanyň, emeldaryň buýruklaryny ýerine ýetirýän adam. *Soltansöýüniň buýrugyna görä, ýasawullar Myralyny köşge alyp gelipdirler* ("Myraly").

**ÝASAWULBAŞY** [ýasowulvaşy], *at.* Ýasawullaryň ýolbaşçysy, ýasawullaryň işine gözegçilik edýän adam.

**ÝASAÝJY,** *at.* **1.** Bir zady ýasamak bilen meşgullanýan adam, bir zat ýasaýan ussa. **2.** *dil b.* Täze söz ýa-da onuň şekilini emele getirýän goşulma. *Söz ýasaýjy goşulma.*

**ÝASAÝYŞ,** *iş ady.* Ýasamak ýagdaýy.

**ÝASGA** [ýasğa], *at.***1.** Suw akýan ýabyň raýyşynyň ýykylyp peselen ýeri, güzer. *Olar atlaryny ýasga eltip, suwa goýberdiler* (B. Seýtäkow). **2.** Balkan welaýatynda bir obanyň ady.

**ÝASGYNJAK** [ýasğynjak], *syp.* Ýeňlenmän, egne ýelbegeý atylan. *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer). *Märekäniň bir tarapynda gyrasy parawuzlanan bagana içmegi egnine ýasgynjak alan, gysga boýly, emma gapak ýaly ýasy döşli, agras gara ýüz, gür sakgally bir adam durdy* (A. Gowşudow). *Berdi ýerinden çakgan turup, donuny ýasgynjak aldy* (B. Soltannyýazow).

**ÝASMYK,** *at.* Bugdaýa düşýän açyk ýaşyl reňkli jöweniň bir görnüşi. *Muňa ýasmyk diýerler, bugdaýyň ganymydyr* (N. Esenmyradow).

**ÝASSAMA,** *iş ady.* Ýassamak ýagdaýy.

**ÝASSAMAK,** *işl.* Ýumruk, taýak, gamçy, saýgyç we ş.m. bilen gaýgyrman, batly urmak; endamynda urgudan yz galdyrmak. *Maral eje ertirden bäri öňüne alan ýüňüni ýassap oturyşyna ýuwaşja hiňlenýärdi.*

**ÝASSAMAKLYK,** *iş ady.* Ýassamak ýagdaýy.

**ÝASSANMAK,** *işl.* **1.** Bir zady kelläň ýa-da tirsegiň aşagynda goýup, gyşaryp ýatmak, ýassyk edinmek. *Ol güpbüsini ýassanyp gyşaranda, nähili uklandygyny duýman galdy* (G. Kulyýew). **2.** Öň aýaklaryny uzadyp, olaryň üstünde kellesini goýup

ýatmak (it hakynda). *Daýaw goýun iti kölegäniň bir çetinde garysyny ýassanyp ýatyrdy.*

**ÝASSANYŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup bilelikde ýassanmak. *Çaga wagtlarymyz doganlarymyz bilen bir ýassygy ýassanyşyp ýatardyk. Esgerler garymyň gyrasyndaky guma ýassanyşdylar.*

**ÝASSAÝYŞ,** *iş ady.* Ýassamak ýagdaýy.

**ÝASSY,** *at.* **1**. Agşamdan ep-esli wagt geçenden soňky wagtyň ady. *Men ýassynyň öň ýanynda öýe geldim.* **2**. Yslam dininde parz hasaplanýan bäş wagt namazyň bäşinji iň soňkusynyň okalýan wagtynyň we şol namazyň ady. *Ýassy namasy. Ýassymy okaýyn diýip, içki jaýa girdim.*

**ÝASSYK,** *at.* **1.** Ýassanmak, kelläň aşagynda goýup ýatmak üçin dörtburç ýa-da süýri togalak edilip, içi ýelek ýa-da pagta bilen doldurylyp tikilen öý goşy. **2.** Üstünde demir ýenjilýän sandal.

◊ **Ýassygyň aşagynda ýylan saklamak** hüşgärligi ýitirmek, ätiýajy elden bermek.

**ÝASSYKDAŞ,** *at.* Är-aýalyň biri-birine gatnaşygy, ýanýoldaş. *Şu sypatyň bilen seni ekläp-saklan eneň-atań hem, ýürekdeş ýassykdaşyň hem tanamaz* (A.Gowşudow).

**ÝASSYKDAŞY,** *at.* Ýassygyň daşyna geýdirmek üçin matadan tikilen daşlyk. *Maral ýassykdaşylary ýuwup-ütükläp goýdy.*

**ÝASSYN** [ýassy:n], *hal.* Ýassy wagty, giç agşam. *Iç işige baryp, köwşün çykaryp, Aňk bolup oturdy ýassyna çenli* (K. Gurbannepesow).

**ÝASY,** *syp.* **1**. Üsti tekiz, ýazgyn. *It baryp çynaryň düýbündäki ýatan ýasy daşy ysgaşdyrdy* (A. Gowşudow). **2.** Inli. *Beýlekisi bili ýasy kemerli, aýagy ädikli epeý ýigitdi* (B. Kerbabaýew). **3.***göç.m.* Semiz, ini-boýy des-deň. *Ol ýasy hem garynlak adamdy.* **4.** Uly. *Ullakan gözli, ýasy ýüzli epeý pyýada.*

◊ **Ýasy ýanyň ýerde bolsun** arkaýyn bol, alada etme. *Hiç zady göwnüňe getirme, Batyr hakda ýasy ýanyň ýerde bolaýsyn!* (R. Gelenow).

**ÝASYDABAN** [ýasyda:van] **I,** *syp.* Dabany ýasy, dabanynyň aşagy tekiz. *Goňşymyzyň ogullarynyň hemmesi diýen ýaly ýasydabandy, ýöne şolardan ýüwrügimiz hem ýokdy.*

◊ **Ýasydaban bolmak** gije-gündiz gara zähmet çekip güzeran görmek.

**ÝASYDABAN** [ýasyda:van] **II,** *syp.* Ökjesiz, aşagy tekiz (köwüş hakynda). *Onuň aýagynda ýasydaban köwşi bardy.*

**ÝASYLAMA,** *iş ady.* Ýasylamak ýagdaýy.

**ÝASYLAMAK,** *işl.* Ýasy görnüşe getirmek, ýasy etmek. *Simiň ujuny ýenjip ýasylamak.*

**ÝASYLAMAKLYK,** *iş ady.* Ýasylamak ýagdaýy.

**ÝASYLANMAK,** *işl.* Ýasy görnüşe getirilmek; ýasy edilmek. *Çüýüň ujy çekiç bilen urlup ýasylandy.*

**ÝASYLAŞMAK,** *işl.* **1.** Ýasylamaga kömek bermek. **2.** Bilelikde ýasylamak. **3**. Ýasy şekil alyp başlamak, ýazgyn hala öwrülip başlamak.

**ÝASYLATDYRMAK,** *işl., ser.* **Ýasylatmak**. *Simiň ujuny ýasylatdyrmak.*

**ÝASYLATMAK,** *isl.* Ýasylamak işini başga birine etdirmek.

**ÝASYLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýasylamak ýagdaýy.

**ÝASYLYK,** *at.* Ýasy halda bolmaklyk, ýasy görnüşde bolmaklyk.

**ÝASYN** [ýa:sy:n], *at.* Gurhanyň süresi.

◊ **Ýasyn çykmak** Gurhanyň "Ýasyn" süresini tutuşlygyna daşyňdan sesli okamak.

**ÝAS-ÝAŇY**, *ser.* **Ýap-ýaňy.**

**ÝAŞ** [ýa:ş] **I**, *at.* Adamyň, haýwanyň, ösümligiň dörän, doglan gününden beýläk ömrüniň bir ýyla deň bolan döwri. *Ýigrimi ýaş ötdi menden, Hezl etmedim, dünýä, senden* (Magtymguly). *Ýaşlarynyň bir çene barandygyna garamazdan, olar oňat oýun görkezdiler* ("Edebiýat we sungat"). *On ýaşyndaky çaga.*

◊ **Ýaşy gaýdyşan** orta ýaşdan agan, gartaşan. *Süňňi haramylar gaýtmaz raýyndan, Ýaşy gaýdyp, sakgal agarmak bilen* (Zelili). **Bäbek ýaşy uzyn bolsun!** Çaga bolanda köp ýaşamagy arzuw edilip aýdylýan alkyş.

**ÝAŞ** [ýa:ş] **II,** *syp.* **1.** Ýigit, garry däl. *Dogrudanam ol wagtlar Güljan ýaşdy* ("Edebiýat we sungat"). *Ýaş adam. Ýaş maşgala. Ýaş oglan.* **2.** Ösüp doly ýetişmedik, boý almadyk (ösümlikler hakynda). *Agaçlar entek ýaş, hasyla geljek ýyl dursa gerek.* **3.** *göç.m.* Kemala gelmedik, kämillige ýetmedik. *Sen entek ýaş bolýaň* (A. Durdyýew).

◊ **Ýaş başyna (başyndan)** ýaş wagtyndan, ýaşlygyndan, çagalykdan. *Hakykatdan-da, garry ýaş başyna bu gyza keşde etmek, gaýma gaýamak, haly çitmek ýaly el işlerini öwretmek bilen, oňa edepli bolmak terbiýesini-de berip başlady* (A. Gowşudow).

**ÝAŞ** [ýa:ş] **III**, *at.* Ýasajyk çaga, ýaňy bolan çaga.

◊ **Ýaş üstünden ölmek (gitmek)** çaga dogranda ýogalmak. *Gün geçdi, aý geçdi, möhleti ýetdi. Şonda ýaş üstünden gelin-de gitdi* (A.Kekilow). **Ýaşy bolmak** çagasy bolmak, çaga dogurmak.

**ÝAŞ** [ýa:ş] **IV,** *at.* Sogan, käşir we ş.m. ekinleriň ter ýapragy, baldagy. *Soganyň ýaşyny ýumurtganyň içine dogrady.*

**ÝAŞ** [ýa:ş] **V,** *at.* Bir zada begenilende ýa-da gynanylanda gözden damja görnüşinde çykýan nem. *Begençden ýaňa onuň gözünde ýaş göründi.*

**ÝAŞALMAK** [ýa:şalmak] **I**, *işl.* **1.** Şu dünýäde diri gezilip ýörülmek, ömür sürülmek. *Meniň gazçylaryň arasynda geçiren şu dört günüm ömrümiň iň manyly ýaşalan günleri boldy* (B. Seýtäkow). **2.** Güzeran görülmek. *Altyn asyrda gowy ýaşalýar.* **3.** Mekan tutulmak, oturymly durmuş gurulmak. *Ol ýaşaljak ýeri öňünden baryp gördi.*

**ÝAŞALMAK** [ýa:şalmak] **II**, *işl., gepl.d.* Öňküsinden ýaş görünmek, ýigdelen ýaly bolmak.

**ÝAŞAMA** [ýa:şama], *iş ady.* Ýaşamak ýagdaýy. *Her halda ýaşamak gyzykly örän / Näçe ýaşa, / Ýaşamadan ganma ýok* (G.Ezizow).

**ÝAŞAMAK** [ýa:şamak], *işl.* **1**. Şu dünýäde diri gezip ýörmek, ömür sürmek. *Ýüz ýaşan adam.* **2.** Güzeran görmek, eklenmek. **3.** Mekan tutmak, oturymly durmuş gurmak.

**ÝAŞAMAKLYK** [ýa:şamaklyk], *iş ady.* Ýaşamak ýagdaýy.

**ÝAŞARMA** [ýa:şarma] **I,***iş ady.* Ýaşarmak ýagdaýy (adamyň daşky görnüşi hakynda).

**ÝAŞARMA** [ýa:şarma] **II,** *iş ady.* Ýaşarmak ýagdaýy (göz hakynda).

**ÝAŞARMAK** [ýa:şarmak] **I,** *işl., gepl.d.* Ýigdelmek, hakyky ýaşyndan ýaş, ýigit görünmek; ýaşalmak. *Tüweleme, dynç alyp ýaşarypsyň!*

**ÝAŞARMAK** [ýa:şarmak] **II,** *işl.* Gözünde ýaş peýda bolmak, gözünden ýaş çykmak. *Durdy aga özüniň aýaza ýaşaryp duran gözünden käýindi* (A. Gowşudow).

**ÝAŞARMAKLYK** [ýa:şarmaklyk] **I,** *iş ady.* Ýaşarmak ýagdaýy (daşky keşp hakynda).

**ÝAŞARMAKLYK** [ýa:şarmaklyk] **II,** *iş ady.* Ýaşarmak ýagdaýy (göz hakynda).

**ÝAŞARMAZLYK** [ýa:şarmazlyk], **I,** *iş ady., gepl.d.* Ýigdelmezlik.

**ÝAŞARMAZLYK** [ýa:şarmazlyk], **II,** *iş ady.* Ýaşaryp durmazlyk.

**ÝAŞARTMAK** [ýa:şartmak] **I,** *işl.* Adamy öňküsinden ýaş görnüşe getirmek, ýigdeltmek.

**ÝAŞARTMAK** [ýa:şartmak] **II,** *işl.* Gözüňe ýaş getirmek, ýaş aýlamak; gözüňden ýaş çykarmak. *Ýatlamalar şadyýan äheňde başlanan gürrüňi bozup, Dursun ejäniň gözlerini bada-bat ýaşartdy* (B. Kerbabaýew).

**ÝAŞARYŞ** [ýa:şaryş] **I,** *iş ady.* Ýaşarmak ýagdaýy (göz hakynda).

**ÝAŞARYŞ** [ýa:şaryş] **II,** *iş ady.* Ýigdeliş ýagdaýy (adamyň daşky keşbi, ýüzi hakynda).

**ÝAŞAŞMAK** [ýa:şaşmak], *işl.* Bile ýaşamak; maşgala gurup ýaşamak. *Size agzybir ýaşaşmagy arzuw edýäris.*

**ÝAŞATMAK** [ýa:şatmak], *işl.* Ýaşamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Meni ýaşadýan, maňa aýak üstünde gezmäge güýç berýän diňe sensiň, Akjagül!* (B. Seýtäkow).

**ÝAŞATMAZLYK** [ýa:şatmazlyk], *işl.* Ýaşamaga goýmazlyk, ýaşamaga mümkinçilik bermezlik.

**ÝAŞAÝYŞ** [ýa:şaýyş], **1.** *iş ady.* Ýaşamak ýagdaýy. **2.** *at.* Adamlaryň, haýwanlaryň maddy dünýädäki durmuşy, gün geçirişi. *Suw ýok ýerinde ýaşaýyş hem ýok.*

**ÝAŞDAŞ** [ýa:şdaş], *at, ser.* **Ýaşyt**. *Bularyň ikisi-de ýaşdaş, ikisi-de goňşy, ikisi-de bir mekdepde okaýar.*

**ÝAŞKIÇI** [ýa:şkiçi] **I,** *at.* Ýaşy kiçi.

**ÝAŞLAMA** [ýa:şlama],*iş ady.* Ýaşlamak ýagdaýy.

**ÝAŞLAMAK** [ýa:şlamak], *işl.* Gözüňe ýaş getirmek, ýaş aýlamak. *Zübeýdam, ýaşlasaň gözüň, Harytsyz dükanym galdy* (Magtymguly).

**ÝAŞLAMAKLYK** [ýa:şlamaklyk], *iş ady.* Ýaşlamak ýagdaýy.

**ÝAŞLAMAZLYK** [ýa:şlamazlyk], *iş ady.* Göze ýaş getirmezlik.

**ÝAŞLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaşlamak ýagdaýy.

**ÝAŞLYK** [ýa:şlyk], *at.* **1.** Ýetginjeklikden kämillige çenli bolan aralyk. **2.** Ýigitlik, jahyllyk, juwanlyk. *Ýaşlyk ýyllary.*

**ÝAŞLAR** [ýa:şlar], *at.* Ýaş nesil; ýaş adamlar.

**ÝAŞMA**, *iş ady.* Ýaşmak ýagdaýy.

**ÝAŞMAK I,** *işl.* Gözýetimden aňryk inmek, batmak (Gün, Aý we ýyldyzlar hakynda). *Gün ýaşdy, garaňky düşdi.*

**ÝAŞMAK II,** *at.***1**. Aýallaryň, gelinleriň adamsynyň ýaşy uly dogan-garyndaşlaryna, özünden ululara hormat goýup, agzynyň üsti bilen aýlaýan gyňajujusy. *Elinde çagasy – bar güýmenjesi, Ýaşmagyň astyndan eşdildi sesi* (A. Kekilow). **2.** Iki tarapa açylýan gapylar ýapylanda, arada galýan yşy ýapmak üçin kakylýan insizje uzyn tagta.

◊ **Ýaşmak ujy** aýal maşgalalaryň gyňajynyň ujy we oňa dakylýan ildirgiçli kümüş şaýjagaz.

**ÝAŞMAKLYK I,** *iş ady.* Ýaşmak ýagdaýy.

**ÝAŞMAKLYK II,** *syp.* Gabsa, äpişgä ýaşmak eder ýaly (insizje uzyn tagta).

**ÝAŞOWA** [ýa:şowa], *syp.* Ýaş. *Ol wagtlar ýaşowarak oglandy.*

**ÝAŞSYRAMAK** [ýa:şsyramak], *işl.* Ýaş görünjek bolmak.

**ÝAŞULY** [ýa:şuly], *at.* **1.** Ýaşy uly, gartaşan (adam). *Ýaşuly adam.* **2.** Gepi-gürrüňi diňlenýän, diýenine-aýdanyna gulak asylýan, sylanýan, durmuş tejribesi uly adam. **3.** Ýaşy birçene baran adama ýa-da wezipeli adama ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Bagyşlaň, ýaşuly, size kim diýerler?* (B. Japarow).

**ÝAŞULULYK** [ýa:şululuk], *at.* **1**. Ýaşulynyň ýagdaýy. *Ýaşululyga ýetmegem hemme kişä nesip edenok.* **2**. Toýda-tomaşada we ş.m. märekede ýolbaşçylyk, bekewülçilik etmeklik. *Bu üýşmeleňde siz ýaşululyk etmeli bolarsyňyz.*

**ÝAŞYL** [ýa:şyl], *syp.* Otuň reňkine meňzeş reňkdäki, otuňky ýaly reňkli, şonuň ýaly-da şol reňkiň ady. *Ýaşyl baýdagyň ruhy baýdagyň baky buýsanjyň bolsun, agzybir, jepakeş halkym, Döwlet tuguň, takdyr tuguň hiç haçan synmasyn* ("Türkmenistan").

**ÝAŞYLBAŞ** [ýa:şylvaş], *at. haýwanat d.* Ganatlarynyň üsti, boýunlary ýaşyl öwsüp duran ördek. *Bagymda saýraşar guşlar, Kölde ýüzer ýaşylbaşlar* (G. Ezizow).

**ÝAŞYLJA** [ýa:şylja] **I,** *syp.* Ýaşyl reňklije.

**ÝAŞYLJA** [ýa:şylja] **II,** *at.* Ýara çalynýan ýaşyl reňkli suwuk derman, mawuja.

**ÝAŞYLLYK** [ýa:şyllyk], *at.* Ýaşyl reňklilik.

**ÝAŞYLRAK** [ýa:şylyra:k], *syp.* Reňki ýaşyla ýakyn; beýlekä görä has ýaşyl reňkli.

**ÝAŞYLYMTYL** [ýa:şylymtyl], *syp.* Ýaşyl öwüsýän, açyk ýaşyl reňkli, çalarak ýaşyl. *Ýaşylymtyl mata.*

**ÝAŞYMSY** [ýa:şymşy], *syp., gepl.d., ser.* **Ýaş II**. *Ol gelin deň-duşlaryndan has ýaşymsy görünýär.*

**ÝAŞYNDYRMA** [ýaşynnyrma], *iş ady.* Ýaşyndyrmak ýagdaýy.

**ÝAŞYNDYRMAK** [ýaşynnyrmak], *işl.* Agzyna ýaşmak aýlatmak.

**ÝAŞYNDYRYŞ** [ýa:şynnyryş], *iş ady.* Ýaşyndyrmak ýagdaýy. *Merjen ejäniň gelnini ýaşyndyryşy üýtgeşikdi.*

**ÝAŞYNDYRMAZLYK** [ýaşynnyrmazlyk], *iş ady.* Ýaşynmaga mejbur etmezlik, ýaşmagyny aýyrtmak.

**ÝAŞYNMA**, *iş ady.* Ýaşynmak ýagdaýy.

**ÝAŞYNMAK,** *işl.* Türkmenleriň köneden gelýän däp-dessuryna görä özüňden ululara hormat goýup, agzyňa ýaşmak aýlamak.

**ÝAŞYNMAKLYK,** *iş ady.* Ýaşynmak ýagdaýy.

**ÝAŞYNMAZLYK,** *iş ady.* Agzyna ýaşmak almazlyk . **ÝAŞYNYŞ**, *iş ady.* Ýaşynmak ýagdaýy.

**ÝAŞYRMA,** *iş ady.* Ýaşyrmak ýagdaýy.

**ÝAŞYRMAK,** *işl.* Ýaşyryn saklamak, gizläp saklamak, gizlemek, bukmak. *Aýybyny ýaşyran aýňalmaz* (Nakyl).

**ÝAŞYRMAKLYK,** *iş ady.* Ýaşyrmak ýagdaýy.

**ÝAŞYRMAZLYK,** *iş ady.* Ýaşyryn saklamazlyk, gizläp saklamazlyk.

**ÝAŞYRYN** [ýaşyry:n], *syp.* Hiç kime bildirmän, assyrynlyk bilen, ogryn, gizlin. *Ýaşyryn iş.*

**ÝAŞYRYNLYK** [ýaşyry:nlyk], *at.* Ýaşyryn halda bolmaklyk, gizlinlik, assyrynlyk, ogrynlyk.

**ÝAŞYRYŞ,** *iş ady.* Ýaşyrmak ýagdaýy.

**ÝAŞYT** [ýa:şyt], *syp.* Ýaşlary bir, deň, doglan ýyllary meňzeş. *Ikimiz ýaşytdyrys, ikimiziňem ýylymyz goýundyr.*

**ÝAŞYTDAŞ** [ýa:şytdaş], *syp., gepl.d.* Ýaşyt. *Seniň bilen ýaşytdaş oglum bar.*

**ÝAŞ-ÝELEŇ** [ýa:ş-ýeleň], *at.* Ýetginjek, jahyl, ýaş-ýuş. *Gelin-gyzlar, ýaş ýeleňler hiňňildik uçýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÝAŞ-ÝUŞ** [ýa:ş-ýu:ş], *at.* Ýaş oglan-gyzlar, ýaş-ýeleň. *Seň ýaly hünäri beýik adamyny tapyp duran gyzlar ýaş-ýuşa barjak gümany barmy?!* (A. Durdyýew).

**ÝAT** [ýa:t] **I,** *at.* Öň bolup geçen wakalary, täsirleri, duýgulary huşa getirip bilmek ukyby, huşda, pikirde saklap bilmek ukyby, hakyda. *Onuň ýady küteleşipdir.*

◊ **Ýada salmak** ýatlamak; ýada getirmek. *Sag kenaryň sümmülleri şemala adaja tolkun atyp, birgeňsi sary deňzi ýada salýar* ("Türkmenistan"). **Ýadyndan çykarmak** ýadyna düşmezlik, ýadyna salyp bilmezluik. *Tolgunmadan ýaňa ol birbada şeýle pursatlarda uzyn gije taýýarlanyp oturan etsem-petsemlerini-de ýadyndan çykardy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Älem içre at gezer, 9 s.). **Ýat beklemek** *ser.* **Ýat tutmak. Ýat etmek** häzir ýok adamy ýatlamak. *Ýat edeýin, agam, seni* ("Görogly"). **Ýat tutmak** sözleri, goşgyny, aýdymy ýadyňda galar ýaly derejede özleşdirmek.

**ÝAT** [ýa:t] **II,** *at.* **1.** Garyndaşlyk, ýakynlyk gatnaşygy bolmadyk, garyndaş däl; keseki. *Ýat illerde mysapyrlyk çekenden, Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy* (Magtymguly). **2.**Tanyş bolmazlyk. *Daýhançylyk, günlükçilik ýaly zatlar oňa ýatdy, pil-de, palta-da ýatdy* (B. Seýtäkow). **3.** *göç.m.* Ýassykdaş, ýanýoldaş. *Başyň ýassyga ýetende, ogul-gyzyň ýatça bolmaz* (Magtymguly). *Oglumyň ýanynda ot bar, gyzymyň ýanynda – ýat* (Atalar sözi).

◊ **Ýedi ýat** ýedi arkadan aňyrky, garyndaşlyk taýdan daşlaşan adamlar; bigäne, keseki. *Ol ýedi ýat bilen guda bolup, ogluny öýermegi ýüregine düwdi.*

**ÝATA,** *syp.* **1.** Akman duran, akaba bolmadyk, akmaýan. *Ýata suw.* **2.** Ýorgan-düşekli ýatan. *Munuň özi ýata hassa-da däl* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýata şärik bolmak** zähmet çekmän, hak aljak bolmak. *Şeýdip hasylyň ýarysyna ýata şärik bolýarlar.*

**ÝATAGAN** [ýatağan]**,** *syp.* Köp ýatmagy halaýan, kän ýatmagy endik edinen, ukuçyl, ýatak. *Japbaklar bir obada ýatagan bar sesini eşitdiler* (B. Kerbabaýew). *Ýatagan gözlerini ýalpa açanda, Görýär özün köne ýorgan içinde* (K.Gurbannepesow).

**ÝATAGANLYK** [ýatağanlyk], *at.* Ýataganyň gylyk-häsiýeti, ukuçyllyk, ýataklyk.

**ÝATAK I,** *at.* **1.** Mallaryň saklanýan ýeri, gijesine olaryň ýatýan ýa-da saklanýan ýeri, agyl. *Ýataklara, öýleriň töwereklerine aýlaň-çaýlaň ederdi* (Ý. Mämmediýew). **2.** Tebigy ýerasty gazylyp alynýan baýlyklaryň gözbaşy, toplanan ýeri, ojagy. *Nebit ýataklary.* **3.** *gepl.d.* Ýaşalýan ýer, jaý, öý. *Soňky wagtlarda ykmaga başlady welin, ol tä ýarygijä çenli ýatagyna köwlenenok* (A. Gowşudow).

◊ **Ýatagyňy çapmak** öz iliň, öýüň zadyna el garmak, oba ogrusy bolmak. *Seret, ol haramzadanyň ýatagyny çapyşyny, hakyt, duzuňy iýip, nähili kast edýärler* (A. Durdyýew).

**ÝATAK II,** *syp., ser.* **Ýatagan I**. *Iki ýatak ýol çalypdyr* (A. Gowşudow).

**ÝATAKHANA** [ýatakha:na], *at.* Okuwçylaryň, talyplaryň, hünär okuwyna gelenleriň umumy ýaşaýyş jaýy, ýatakjaý, ýatalga. *Ol ýolboýy Bossanyň pikirini edip, ýatakhana gelende, Wellek hor çekip ýatyrdy* (G. Gurbansähedow).

**ÝATAKLAMA,** *iş ady.* Ýataklamak ýagdaýy.

**ÝATAKLAMAK,** *işl.* Guzlajak bolmak, guzlajak bolup, ýatar ýaly ýer gözlemek, bimaza bolmak (mal hakynda). *Goýnumyz-a ýataklap başlady.*

**ÝATAKLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýataklamak ýagdaýy.

**ÝATALGA** [ýatalğa], *at.* **1.** Deňizde harasat gopanda, gaçylyp atylýan asuda giňişlik. *Torlaryň baryny çekip almaly, Gaýdan çykyp, bir ýatalga barmaly* (A. Kowusow, N. Amanow). **2.** *ser.* **Ýatakhana**. *Ol institutyň umumy ýatalga jaýynda taýýarlanýar* (H. Ysmaýylow).

**ÝATAŞÄRIK** [ýataşä:rik], *syp.* Zähmet çekmegi halaman, işiň netijesine şärik (adam hakynda).

**ÝATAŞÄRIKLIK** [ýataşä:riklik], *at.* Zähmet çekmän, işiň netijesine şärik bolmaklyk.

**ÝATDAN** [ýa:tdan], *hal.* Ýazga seretmän, ýadyňda galyşyna görä. *Ýatdan goşgy aýtmak.*

**ÝATGY,** *at.* Aýallaryň, urkaçy haýwanlaryň önelgeleriniň ösüp, ulalýan ýeri bolan içki agza.

**ÝATKEŞ** [ýa:tkeş], *syp.* Eşiden, gören zadyny köp wagtlap ýadyndan çykarmaýan, ýadynda berk saklaýan. *Çarwa aga zor yzçydy, örän tangyrdy hem diýseň ýatkeşdi* (B. Gurbanow).

**ÝATKEŞLIK** [ýa:tkeşlik], *at.* Ýatkeş bolmaklyk. *Siziň ýatkeşligiňize men-ä telpek goýdum* (A. Nazarow). *Diňe adamlaryň çyn ýatkeşligi Üýtgänok geçse-de ýyllar içinden* (Ş. Borjakow).

**ÝATLAMA** [ýa:tlama] **I,** *iş ady.* Ýatlamak ýagdaýy.

**ÝATLAMA** [ýa:tlama] **II,** *at.***1.** Biri ýa-da bir zat barada hakydaňa gelýän, ýadyňa düşýän wakalar. *Bu meýdançanyň her daban ýeri ýatlamalardan doly* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Geçmiş hakyndaky ýazgylar ýa-da hekaýatlar. *Ýatlama ýazmak. Atly bagşylar hakyndaky ýatlamalar kitaby.*

**ÝATLAMA** [ýa:tlama] **III,** *at.* Bir zat hakynda gysga maglumatlar, düzgünler, görkezmeler ýazylan ýygyndy, şeýle-de şonuň ýaly düzgünleriň ýygyndysyny öz içine alýan gollanma. *Sözleri we adalgalary millileşdirmek hem-de tertibe salmak boýunça ýatlama.*

**ÝATLAMAK** [ýa:tlamak], *işl.* **1.** Öň bolup geçen wakany, hadysany ýada salmak, hakydaňa getirmek. *Mergen öz düşbüje ogluny ýatlap köp oturdy* (Ç. Aşyrow). **2.** Ölen adamyň belli günlerini etmek, ýatlanylyp ys edilmek. **3.** *gepl.d.* Ýat tutmak.

**ÝATLAMAKLYK** [ýa:tlamaklyk], *iş ady.* Ýatlamak ýagdaýy.

**ÝATLAMAZLYK** [ýa:tlamazlyk], *iş ady.* Ýada salmazlyk.

**ÝATLANMAK** [ýa:tlanmak], *işl.* **1.** Ýada salynmak. **2.** Hatyrasy tutulyp, ýörite duşuşyk geçirilmek. *Dabarada alymlaryň ikisi ýatlandy.* **3.** Agzap geçilmek, ady tutulmak. *Işde ýatlanyp geçilen eserler dürli döwürlere degişli.*

**ÝATLAŞMAK** [ýa:tlaşmak], *işl.* Bilelikde ýatlamak. *Olar öteni-geçeni ýatlaşyp, esli oturdylar.*

**ÝATLAŞYK** [ýa:tlaşyk], *at.* Kimdir birini biräçe bolup ýatlamaklyk. *Her gezekki ýatlaşykda-da söhbet: "Aý, olar ýaly gudrat indi döremez-le" diýlip tamamlanýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Alem içre at gezer, 16 s.).

**ÝATLATMAK** [ýa:tlatmak], *işl.* **1.** Aýdyp ýadyna düşer ýaly etmek, ýadyna salmak. *Dostum maňa ertir gezelenje gitmelidigimizi ýatlatdy. Size töleg etmegiň möhletiniň geljek aýyň bäşine dolýandygyny ýatladýarys.* **2.** Birine meňzeş bolup görünmek. *Ol oglan gelnejemiň jigisini ýatladyp dur.*

**ÝATLAÝYŞ** [ýa:tlaýyş], *iş ady.* Ýatlamak ýagdaýy.

**ÝATLYK** [ýa:tlyk] **I,** *at.* Garyndaşlyk, dostluk ýa-da ýoldaşlyk gatnaşygy ýokluk, kesekilik.

**ÝATLYK** [ýa:tlyk] **II,** *at.* Gowlukdan bolan çaga.

**ÝATMA,** *iş ady.* Ýatmak ýagdaýy.

**ÝATMAK,** *işl.***1.** Bütin bedeniň, göwräň bilen bir zadyň üstünde aýagyňy uzyn salyp süýnmek. *Çyg ýerde ýatmaň, onuň tutuş bedene zyýany bar.* **2.** Gozganman durmak. *Kitabyň, ynha, öňümde ýatyr.* **3.** Uklamak, uka gitmek. *Gije ýarymdan geçenden soň ýatdylar.* **4.** Kesilmek, togtamak. *Ýel birden turşy ýaly, birdenem ýatdy.* **5.** Süllerip gurap başlamak, guramak, ösüşden galmak. *Hyýaryň pazyly ýatypdyr.* **6.** Keselläp, syrkawlap ýorgan-düşekli ýagdaýda bolmak. *Giden gelsin, ýatan galsyn* (Alkyş, dileg). **7.***göç.m.* Bir ýerde köp wagtlap bolmak, köp eglenmek. *Suw diýip gitdiň-de, ýataýdyň-la!*

◊ **Ýatan çöpi galdyrmazlyk** hiç iş etmezlik, bikär gezmek, eliňi işe urmazlyk. **Ýatanyň üstüne turan gelmesin** parahatlyk bolsun, hiç zat, hiç başagaýlyk rahatlygy bozmasyn. **Ýatan ýeri ýagty bolsun!** pata barlanda, aradan çykan adamyň ady tutulanda aýdylýan dileg. **Ýatyp turmak** uklap oýanmak. *Gözümiň awusyny alaýyn diýip ýatyp turanyma salym geçmänkä meni işe çagyrdylar.* **Bir (iki, üç...) ýatmak** *gepl.d.* bir (iki, üç...) gün bolmak, bir (iki, üç...) gijäni geçirmek. *Men şäherde bary-ýogy iki gün ýatdym.*

**ÝATMAKLYK,***iş ady.* Ýatmak ýagdaýy.

**ÝATUW I,** *iş ady.* Ýatmak ýagdaýy.

**ÝATUW II,** *at.* Ýatyp dynç alyş, uky. *Ýatuw aladasy ýetişen mesgensiz serçeler öz dillerinde biri-birlerine habar gatýardylar* (B. Kerbabaýew).

**ÝATYLMAK,** *işl.* **1.** Tutuş bedeniň bilen bir zadyň üstünde kese süýnülmek. **2.** Uklanmak. *Işläp ýadanymyzdan soň kän ýatyldy.*

**ÝATYM,** *at.* Ýüpek gurçugynyň nobatdaky ukusy. *Ýaňy oglanlaryň ýanyna baramda, ýüpek gurçugy şu ýatymdan soň, pile sarap başlar diýdiler.*

**ÝATYMLAÝYN,** *hal.* Giden ýeriňde gijäňi geçirip, ýatyp gelmek şerti bilen, günin däl, ýatymlaýyn, ýatyrlaýyn. *Biz obadan ýedi-sekiz kilometr daşlykda ýatymlaýyn işleýärdik* (R. Gelenow).

**ÝATYMLYK,** *hal.* Birnäçe gün bolmaklyk, birnäçe gün ýatyp gelmek şerti bilen, ýatymlaýyn. *Ol iş bilen ýatymlyk bir ýere gitmeli bolupdy.*

**ÝATYRLAÝYN,** *hal, ser.* **Ýatymlaýyn.** *Balyk tutmaga ýatyrlaýyn giderdik.*

**ÝATYRMA,** *iş ady.* Ýatyrmak ýagdaýy.

**ÝATYRMAK,** *işl.* **1.** Bir zadyň üstünde süýndürip goýmak, uzynlygyna gyşartmak, kesertmek. *Ynha, birini aýry jaýa getirip, Açdylar ýarasyn, arkan ýatyryp* (A. Kekilow). **2.** Düşek salyp, uka gidermek, uklatmak. *Häzir dogrudan hem ejem sygrymyzy sagandyr, jigilerimi suwa düşürip ýatyrandyr* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Orup, ýygyp, çapyp duran ýerinde serip goýmak. *Ýorunja ýatyrmak. Ot ýatyrmak. Ýandak ýatyrmak.* **4.** Duruzmak, togtatmak. *Maşynyň bir ýerinde güwwüldi peýda bolandygyny aňyp, ony derrew açaryny towlap ýatyrdy.* **5.** Hereket etmegini bes etdirmek, güýçsüz hasap etmek. *Şertnamany ýatyrmak.* **6.** Öçürmek, söndürmek. *Radiony ýatyr.*

**ÝATYRMAKLYK,** *iş ady.* Ýatyrmak ýagdaýy.

**ÝATYRTMAK,** *işl.* Ýatyrmak işini başga birine etdirmek. *Ýorunjany ýatyrtmak.*

**ÝATYRYLMAK,** *işl.* **1.** Bir zadyň üstünde uzaboýuna süýndürilip goýulmak, keserdilmek, gyşardylmak. *Iki adam boýy pürsler ýatyrylyp goýuldy.* **2.** Düşek ýazylyp, üstüne geçirilmek, ukladylmak. *Çagalar ýatyryldy.* **3.** Tä guraýança orlan, ýyglan, çapylan ýerinde serlip goýulmak. *Meýdanyň otlary ýatyryldy.* **4.** Durzulmak, togtadylmak (tok, ýangyç we ş.m. bilen işleýän enjam hakynda). *Ähli enjamlar ýatyrylan soň, töwerek imi-salalyk boldy.* **5.** Hereket etmegi bes etdirilmek, güýçsüz hasap edilmek. *Şertnamanyň ýatyrylmagy.*

**ÝATYRYŞ,***iş ady.* Ýatyrmak ýagdaýy.

**ÝATYRYŞDYRMAK,***işl.* Hemmesini ýatyrmak, ählisini ýatyryp çykmak. *Çagalary ýatyryşdyrmak.*

**ÝATYRYŞMAK,** *işl.*1.Ýatyrmaga kömek etmek. *Men gelnejeme çagasyny ýatyryşdym.* **2**. Bilelikde ýatyrmak. *Biz ot ýatyryşyp ýördük.*

**ÝATYŞ,** *iş ady.* Ýatmak ýagdaýy.

**ÝATYŞMAK,** *işl.***1.** Hemmesi ýataňkyrlamak, ýatyp başlamak. *Adamlar ýatyşan eken.***2.** Köşeşmek, peselişmek, gowşaşmak, kem-kemden ýatmak. *Ýel ýatyşdy. Howur kem-kemden ýatyşdy.*

**ÝATYŞTELPEK,** *at.* Ýatylanda geýmek üçin ýörite tikilýän telpejik, şypyrma, şyrdak. *Ýatyştelpegi, köplenç, garrylar geýýärler.*

**ÝAÝ** [ýa:ý], *at.* **1.** Uçlaryna dartdyrylyp kiriş daňylan, berk, maýyşgak agaçdan edilen, ujuna peýkam geýdirilen ok atýan gadymy ýarag. *Ýaýyň iki başy eplenip, biri-birine ýetip tapyşyp gelýär* ("Görogly"). **2**. *zergärç.* Çaga kürtesiniň arkasyna dakylýan ujy düwme şelpeli, gyzyl çaýylan bezeg şaýy. **3.** Toýnugyň iki ujuna rezin daňlyp, daş salnyp atylýan oýnawaç ýarag. **4.** *dil b.* Daşky görnüşi ýaýa çalymdaş dyngy belgi [()]. *Ýaýyň içinde söze düşündiriş berlipdir.*

◊ **Ýaý bermek** gyşarmak, egrelmek. **Ýaýdan sypan ýaly** çalt, tiz hereket edýän (adam ýa-da zat hakynda). *Ýaýdan sypan ýaly maşyn, Ýol tanapyn düýrüp geldi* (Ç. Gurbangylyjow).

**ÝAÝAL,** *syp.* Bir iş edende äwmeýän, alňasamaýan, howlukmaýan. *Ýaýalyň ýany ýarty, haly teň, töwekgeliň nany bitin, işi oň* (Nakyl). *Beýle-de bir ýaýal adam bor ekeni* (Ý. Mämmediýew).

**ÝAÝALLYK,** *at.* Ýaýal häsiýetlilik, äwmezeklik, howlukmazaklyk.

**ÝAÝAPLAMA,** *iş ady.* Ýaýaplamak ýagdaýy.

**ÝAÝAPLAMAK,** *işl.* Ýaranyp gün görjek bolmak. *Çary onuň öňünde sazanaklap ýaýaplady* (N. Pomma).

**ÝAÝAPLAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaýaplamak ýagdaýy.

**ÝAÝAPLAMAZLYK,** *iş ady.* Ýaýaplaman gezmek, ýaýaplap durmazlyk.

**ÝAÝAPLAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup, ýerli-ýerden ýaýaplamak.

**ÝAÝAPLAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaýaplamak ýagdaýy.

**ÝAÝBAŇ** [ýaýwaň], *syp.* Içi ýazgyn, uly, ullakan, giň. *Ýaýbaň kümüş gap.*

**ÝAÝBAŇLANDYRMAK** [ýaýwaňlannyrmak], *işl.* Işi giň möçberde alyp barmak, ýokary derejede ösdürmek, gerimini artdyrmak.

**ÝAÝBAŇLANMAK** [ýaýwaňlanmak], *işl.* Giň möçberde alnyp barylmak, ýokary derejede ösmek, giň gerim almak. *Işler bütin ýurtda ýaýbaňlandy.*

**ÝAÝBAŇLAŞMAK** [ýaýwaňlaşmak], *işl.* Belli derejede ýaýbaňlanmak.

**ÝAÝDANA-ÝAÝDANA,** *hal.* **1.** Belli bir karara gelip bilmän, ikirjiňlene-ikirjiňlene, ýaýdanyp-ýaýdanyp. *Ol ýaýdana-ýaýdana maňa ýüzlendi.* **2.** Ätiýaç ede-ede, çekine-çekine, gorka-gorka. *Ýaýdana-ýaýdana kakasyna ýüzlendi.*

**ÝAÝDANDYRMAK** [ýaýdannyrmak], *işl.* Ýaýdanmagyna sebäp bolmak. *Gelende açyk ýüz bilen garşy alyň, oglany ýaýdandyrmaň.*

**ÝAÝDANJAŇ,** *syp.* **1**. Käbir ýagdaýlarda belli bir karara gelip bilmeýän, ederini bilmeýän. *Ol şeýle bir ýaýdanjaňdyr welin, diýip-aýdar ýaly däldir* (A. Nazarow). **2.** Ätiýaç ediji, çekinjeň. *Ýaýdanjaň adam.*

**ÝAÝDANJAŇLYK,** *at.* **1.** Ýaýdanjaň halda bolmaklyk, ýaýdanjaň häsiýetlilik. *Ýaýdanjaňlygyň üçin, ulagdan gijä galdyň.* **2.** Ätiýaç edijilik, gorky etmeklik, çekinjeňlik.

**ÝAÝDANJYRAMAK,***işl.* Çalarak ýaýdanmak, az-kem ýaýdanmak. *Ol birhili özüni ýitirip, näme diýjegini bilmän ýaýdanjyrady* (B. Gurbanow).

**ÝAÝDANMA,** *iş ady.* Ýaýdanmak ýagdaýy.

**ÝAÝDANMAK,** *işl.* **1.** Ederini bilmän ikirjiňlenmek, belli karara gelip bilmän durmak. *Men-ä guzy ýaly myrlap ýatyşyna dözmänem ýaýdandym* (R. Gelenow). **2.** Gorka hereket etmek, çekinjeňlik etmek. *Öýüňize baranymda welin ýaýdanyp bardym* (R. Gelenow).

**ÝAÝDANYŞ,** *iş ady.* Ýaýdanmak ýagdaýy. *Onuň ýaýdanyşy çakyň däldi.*

**ÝAÝDANYŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup ýaýdanyp durmak.

**ÝAÝDYRMAK,** *işl.* **1.** Iki tarapa gerdirmek, uzatdyrmak, açdyrmak. *Ýaraly leglegiň ganatyny ýaýdyrdylar.* **2.** Köpe mälim etdirmek, aýan etdirmek, jar etdirmek. *Maglumaty ýaýdyrmak.* **3.** Giňden ýazdyrmak. *Supra ýaýdyrmak.* **4.** Örümini çözdürmek (saç hakynda). *Saç ýaýdyrmak.*

**ÝAÝDYRMAK** [ýa:ýdyrmak] **I, II.** *işl.* Ýaýmak işini başga birine etdirmek. *Ýanlyk ýaýdyrmak. Pişmelik hamyr ýaýdyrmak.*

**ÝAÝJYK** [ýa:ýjyk], *at.* **1.** Döşüň ýokary tarapyndaky iki omza garşy aýrylyp gidýän süňk, bukaw süňki. **2.** Burum-burum towlanan, maýyşgak, gysylyp-açylýan çeýe polat sim, puružyn. *Diwanyň ýaýjygy.*

**ÝAÝKALMAK,** *işl.*Çalarak ýaýkalmak.

**ÝAÝKAMA,** *iş ady.* Ýaýkamak ýagdaýy.

**ÝAÝKAMAK,** *işl.* Bir zady oňlamaýandygyňy aňlatmak üçin bir-iki gezek başyňy ikibaka – bir sagyňa, bir-de çepiňe tarap öwürmek. *Gyz hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady.*

**ÝAÝKAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaýkamak ýagdaýy.

**ÝAÝKANJYRAMA,** *iş ady.* Ýaýkanjyramak ýagdaýy.

**ÝAÝKANJYRAMAK,** *işl.* Çalajadan bir enaýy näzli hereket etmek. *Gelin ýaýkanjyrap geçip gitdi.*

**ÝAÝKANJYRAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaýkanjyramak ýagdaýy.

**ÝAÝKANJYRAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaýkanjyramak ýagdaýy.

**ÝAÝKANMAK,** *işl.* Eýläk-beýläk yranmak, ikibaka çaýkanmak. *Sona kimin ýaýkanar sen, Abat bolsun köller, Öwez* ("Görogly").

**ÝAÝKAŞMAK,** *işl.* Birnäçe bolup ýaýkamak; yralamak, çaýkamak. *Yrsaraşan bolan bolup, Kellelerni ýaýkaşýarlar* (K. Gurbannepesow).

**ÝAÝKATMAK,** *işl.* Ýaýkamagyna sebäp bolmak. *Geň, täsin habaryň bilen adamlaryň başyny ýaýkatdyň.*

**ÝAÝKAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaýkamak ýagdaýy.

**ÝAÝKYLDAMAK** [ýaýkyllamak], *işl.* Berk durman, ýykylaýjak-ýykylaýjak bolup, ikibaka yraň atmak. *Kenardaky gaýyk ýaýkyldap durdy.*

**ÝAÝKYLDY** [ýaýkylly], *at.* Ýaýkyldama hereketiniň ady.

**ÝAÝLA** [ýa:ýla], *at.* **1**. Ýaz, tomus aýlary mal bakylýan otluk ýer, öri meýdan, ýaýlag. **2**. Oturymly ýer-ýurt, sebit, etrap, oazis. *Mary ýaýlasy taryhy ýadygärliklere baýdyr.*

**ÝAÝLAG** [ýa:ýlağ], *at, ser.* **Ýaýla**. *Dagtokga dagda bişer, Miweli bagda bişer, Owlak-guzy ýaýlaga Sürülýän çagda bişer* (M. Garryýew).

**ÝAÝLAMAK** [ýa:ýlamak] **I,** *işl.* Ýazlamak. *Üstüňde ýaýlaýyp, myrada ýetsek, Lälezar gülleriň bardyr, sen çölüň!* (Seýdi).

**ÝAÝLAMAK** [ýa:ýlamak] **II,** *işl.* Ýaý bilen atmak.

**ÝAÝLAŞMAK** [ýa:ýlaşmak], *işl.* **1.** Biri-biriňe tarap ýaý atmak. **2.** Bilelikde ýaýlamak. *Çagalar guş ýaýlaşyp ýördi.*

**ÝAÝLATMAK** [ýa:ýlatmak], *işl.* Ýaýlamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Guş ýaýlatmak.*

**ÝAÝLYM I,** *at.***1.** Süri agym berer ýaly öri meýdany, öri. *Şol ýaýlymly giň depäniň üstünde iki sany altyganat ak öý gümmezekläp otyrdy* (A. Gowşudow). **2.** Oglana dakylýan at.

**ÝAÝLYM II,** *at.* Radio, telewideniýe arkaly gepleşikleriň, habarlaryň howa tolkunlary arkaly ýaýradylyş giňişligi.

**ÝAÝMA,** *iş ady.* Ýaýmak ýagdaýy.

**ÝAÝMA** [ýa:ýma] **I, II,***iş ady.* Ýaýmak ýagdaýy.

**ÝAÝMAK,** *işl.* **1.** Iki tarapa germek, uzatmak, açmak. *Soňra ol hem ganat ýaýyp, howlynyň depesine çykdy* (B. Seýtäkow). **2.** Uly ile mälim etmek, aýan etmek, jar etmek, ýaýratmak. *Her kime syryn ýaýanyň, Sözünde iba bolarmy?!* ("Şasenem – Garyp"). **3.** Giňden açmak, ýazmak, ýaýratmak. **4.** Örümini çözüp, seçelendirip goýbermek (saç hakynda).

**ÝAÝMAK** [ýa:ýmak] **I,** *işl.* Gatygyň ýagyny almak üçin, ony ýanlyga guýup, pişek bilen aşak-ýokaryk hereketlendirip durmak. *Bir gün men ir bilen daşarda ýanlyk ýaýýardym* (H. Garabaýew).

**ÝAÝMAK** [ýa:ýmak] **II,** *işl.* Hamyry oklaw bilen iki ýana sozup ýukaltmak, tokga hamyry ýazgyn hala getirmek. *Ol çelpek ýaýmaga barýan diýdi* (A. Durdyýew).

**ÝAÝMAKLYK** [ýa:ýmaklyk] **I, II,** *iş ady.* Ýaýmak ýagdaýy.

**ÝAÝNAMA,** *iş ady.* Ýaýnamak ýagdaýy.

**ÝAÝNAMAK,** *işl.***1.** Bolelinlikde erkana, azat ýaşamak. *Şat watanyň saýasynda, Ýaýnaýan – men, ýaýnaýan* (Aýdymdan). **2.** *gepl.d.* Uzap, giňäp gitmek, giňemek, ýaýlyp ýatmak. *Gündogardan günbatara ýaýnap gidýän giň dere.* **3.** *göç.m.* Hezil etmek, arkaýyn gezmek. *Kenarynda durmuş joş alyp gaýnar, Otluk ýaýlalaňda mallarmyz ýaýnar* (N. Annagylyjow).

**ÝAÝNAŞMAK,** *işl.***1.** Birnäçe bolup, köplük bolup ýaýnap ýörmek. *Ýabylar giň sährada peýwagtyna ýaýnaşyp ýördüler* (B. Kerbabaýew). **2.** *gepl.d.* Uzaşyp, giňeşip gitmek, ýaýlyşyp ýatmak. *Ekin meýdanlarymyz çar tarapa ýaýnaşyp ýatyr.* **3.***göç.m.* Hezil edişmek, arkaýyn gezişmek. *Çagalar ýaýnaşyp ýörler.*

**ÝAÝNATDYRMAK,** *işl.* Baýnatmak, gönendirmek, ýaýnatmak.

**ÝAÝNATMAK,** *işl.* Ýaýnamaga mümkinçilik bermek.

**ÝAÝNAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaýnamak ýagdaýy.

**ÝAÝRABERMEK** [ýaýravermek], *işl.* Ýaýrap başlamak.

**ÝAÝRADYJY I,** *syp.* Her bir zady köpçülige, ilata, daş-töwerege ýaýradýan. *Bilim ýaýradyjy adam.*

**ÝAÝRADYJY II,** *at.* Üýşüp duran zady ýaýratmaga ýaraýan gural, enjam. *Ýol işinde gum ýaýradyjylar ulanyldy.*

**ÝAÝRADYLMAK,** *işl.* **1.** Ýaýraň ýagdaýa getirilmek, dagadylmak, pytradylmak. *Ekin meýdanyna çekilen dersler ýaýradyldy.* **2.** Giň, arasy açyk ýerleşdirilmek, seýrekledilmek. *Märeke ýaýradylansoň, dem almak ýeňilleşdi.* **3.** Köpçülige mälim edilmek. *Habar köpe ýaýradyldy.* **4.** Giň gerim berilmek. *Gowy görelde hemme ýere ýaýradyldy.* **5.** Howa goýberilmek. *Howada hoştap ys ýaýradyldy.*

**ÝAÝRADYŞDYRMAK,** *işl.* Bir ýan ujundan ýaýradyp ugramak, hemmesini ýaýratmak. *Ol elindäki hatlaryň bir toparyny biziň öňümize ýaýradyşdyrdy.*

**ÝAÝRADYŞMAK,** *işl.* **1**. Ýaýratmaga kömek bermek. *Gel, gum ýaýradyşsaň!* **2**. Bilelikde ýaýratmak. *Adamlar giden meýdana ders ýaýradyşyp ýördüler.*

**ÝAÝRAMA,** *iş ady.* Ýaýramak ýagdaýy.

**ÝAÝRAMAK,** *işl.* **1.** Dagamak, pytrap, dagap ýatmak. *Otagyň bir künjündäki sekiniň üstünde dürli kitaplar ýaýrap ýatyrdy.* **2.** Çaýylmak, saçylmak. *Ýaňy dogan Günüň şöhlesi dünýä ýaýrady* (B. Gurbanow). **3.** Ýaýraň, dagynyk halda bolmak. *Häli arkaýynlykda ýaýrap ýatyrlar* ("Görogly"). **4.**

Uzamak, uzalyp gitmek. *Ynha, garpyzyň gollary çar tarapa ýaýrap başlady* (N. Esenmyradow). **5.** Köpçülige mälim bolmak, aýan bolmak, jar bolmak, hemmelere eşidilmek. *Bu agyr habar uly ile ýaýrady.* **6.** Giň gerim almak, aralaşmak. **7.** Uzalyp, ýaýlyp gitmek, giňemek. **8.** Howa garylyp, goşulyp gitmek. *Gazyň ysy howla ýaýrady.* **9.** Arkaýynçylykda keýiňi kökläp oturmak. *Işden soň Garagumuň giň sährasynda ýazylyp, ýaýrap otyrdyk.* **10.** Giň meýdanda ornaşmak, giň meýdany tutmak, eýelemek. *Oguzyň nesli Aziýanyň köp ýerlerine ýaýrady.*

◊ **Köki ýaýramyş** "tohumyň ýaýrasyn" diýen manyly dileg.

**ÝAÝRAMAKLYK,** *iş ady.* Ýaýramak ýagdaýy.

**ÝAÝRAŇ, 1.** Dagynyk, pytraňňy. **2.** Daş-töwerege uzalyp giden, gabarasy uly. *Ýol söküldigiçe, daglaryň başy golaýlaşýardy, dere daralyp, ýaýraň şahaly tal-daragtlar köpelýärdi* (G. Kulyýew).

◊ **Ýaýraň ýönekeý sözlem** *dil b.* baş agzalardan başga-da, aýyklaýjy agzalary bar bolan sözlem.

**ÝAÝRAŞMAK,** *işl.* **1.** Dargaşyp, pytraşyp ýatmak. *Maral okalganyň içine göz aýlap, ýaýraşyp ýatan kitaplary tertibe salyşdyryp çykdy.* **2.** Dürli tarapa ýaýrap gitmek, çar tarapa ýaýramak. *Başlaryny galdyrman, ýaýraşyp otlap ýören sygyrlaryň çopany mendim* (A. Durdyýew).

**ÝAÝRATDYRMAK,** *işl.* Ýaýratmak işini başga birine etdirtmek.

**ÝAÝRATMA,** iş ady. Ýaýratmak ýagdaýy.

**ÝAÝRATMAK,** *işl.* **1.** Dagynyk, pytraňňy ýagdaýa salmak, dagytmak. *Ahmet derýanyň ýakasyna baryp, gülebendini düşürip, bu köne-sanalaryň hemmesini ýakyp, külüni derýanyň gyrasyna ýaýratdy* ("Türkmen halk ertekileri"). **2.** Howa ýaýramak derejesine ýetirmek. *Ähli miweler ýetişip, dört töwerege şeker-şerbet ysyny ýaýradýardy.* **3.** Paýlamak, bölüp bermek. *Harytlary dükanlara ýaýratmak.* **4.** Ýazgyn hala getirmek, ýazmak. *Çyg ýüňi güneşde ýaýratmak.* **5.** Gürrüňi, habary köpçülige mälim etmek, äşgär etmek. *Goý, güýçli ýel meniň guwanjymy, aýdyň pikirimi bütin dünýä ýaýratsyn!* (B. Kerbabaýew). **6.** Ornaşdyrmak, giň gerim aldyrmak. *Bilimleri köpçülige ýaýratmak.*

**ÝAÝRAW** [ýaýrow], *at.* Köplenç, bir adamyň nesliniň ýaýran ýeri. *Pylanylaryň ýaýrawy gaty giňdir.*

**ÝAÝRAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaýramak ýagdaýy.

**ÝAÝYLMAK,** *işl.* **1.** Iki tarapa gerilmek, uzaldylmak, açylmak. *Bürgüdiň ýaýlan ganaty ýere kölege salyp geçdi.* **2.** Köpe mälim edilmek, aýan edilmek, jar edilmek. *Bu gün biziň at-abraýymyz, şöhratymyz dünýä ýaýyldy.* **3.** Giňden açylmak, ýazylmak. *Sadakada supralar giňden ýaýyldy.* **4.** Örümi çözülip seçelenmek. *Gyzyň sagrysyndan ötüp duran saçy ýaýyldy.*

**ÝAÝYLMAK** [ýa:ýylmak] **I,** *işl.* Gatykdan ýag almak üçin, ýanlyga guýlup, pişek bilen aşak-ýokaryk hereketlendirilip durulmak. *Ýanlyk ýaýyldy.*

**ÝAÝYLMAK** [ýa:ýylmak] **II,** *işl.* Oklaw bilen ýazylmak, ýukaldylmak (hamyr hakynda).

**ÝAÝYN** [ýaýyn], *at.* **1.** Ýazylyp ýatan, sergin. **2.** Derýada, süýji suwda ýaşaýan teňňesiz, uzyn murtly balyk, lakga.

◊ **Ýaýyn suw** takyrlaryň pesräk ýerlerini tutup, köp wagtlap siňmän ýatan ýalpak suw.

**ÝAÝYNMAK** [ýa:ýynmak], *işl.* **1.** Özüň üçin ýaýmak. *Ol ýanlyk ýaýyndy.* **2.** Özüň üçin hamyr ýaýmak.

**ÝAÝYN-ÝAJAK** [ýaýyn-ýa:jak], *syp.* Çalam-çaş, dyr-pytrak, ýygnalman ýatan. *Gideýin. Içerim ýaýyn-ýajakdyr* (R. Gelenow).

**ÝAÝYŞ,** *iş ady.* Ýaýmak ýagdaýy.

**ÝAÝYŞ** [ýa:ýyş] **I, II,** *iş ady.* Ýaýmak ýagdaýy.

**ÝAÝYŞDYRMAK** [ýa:ýyşdyrmak], *işl.* Hemmesini ýaýmak, bir ýanyndan ýaýyp çykmak.

**ÝAÝYŞMAK** [ýa:ýyşmak] **I,** *işl.* **1.** Ýanlyk ýaýmaga kömek bermek. **2.** Bilelikde ýanlyk ýaýmak. *Ýanlyk ýaýyşmak.*

**ÝAÝYŞMAK** [ýa:ýyşmak] **II,** *işl.***1.** Hamyr ýaýmaga kömek bermek. **2.** Bilelikde hamyr ýaýmak. *Gelinler çelpek ýaýyşyp otyr.*

**ÝAZ** [ýa:z], *at.* **1.** Gyşdan soň gelip, mart, aprel, maý aýlaryny öz içine alýan ýyl pasly, bahar. *Gyş gutaryp, öz ornuny ýaňyja ýaza beripdi* (B. Gurbanow). **2.** *göç.m.* Eşretli, asuda, parahat durmuş, döwran. **3.** Oglana dakylýan at.

◊ **Ýaz ýüňi** ýaz gyrkymynyň ýüňi.

**ÝAZAN** [ýa:zan], *syp.* Ilkinji ýyl gaýmadyk, höwre gelmedik (düýe hakynda). *Ýazan düýe.*

**ÝAZDYRMAK** [ýazzyrmak] **I,** *işl.* **1.** Ýazmak işini başga birine etdirmek. *Men mugallymlarymyzdan hata ökdesiniň biriniň ýanyna baraýyn-da, hemmesini bolşy ýaly edişdirip ýazdyraýyn* (N. Saryhanow). **2.** Ýazmaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Mugallym, tagtada maňa ýazdyrsana!*

**ÝAZDYRMAK** [ýazzyrmak] **II,** *işl.* **1.** Düşedip goýdurmak, düşetmek. *Düşek ýazdyrmak.* **2.** Ýaýradyp, açyp goýdurmak, pytratdyrmak. *Saçak ýazdyrmak.* **3.** Ýygyrdyny, epinini düzletmek, ýazgyn etdirmek. **4.** Gatyny, düýrügini açdyrmak.

**ÝAZDYRMAK** [ýa:zzyrmak], *işl.* **1.** Bir zady ildirilen ýerinden boşatmak, açmak. *Iliklerini ýazdyryp, gursagyny giň açyp, hat işi bilen meşguldy* (A. Gowşudow). **2.** Ýerinden çykarmak, birleşýän ýerinden bölüp aýyrmak. *–Onuň äňini ýazdyrdyňyz! – diýdi* (H. Ysmaýylow). **3.** Çözmek, daňydan boşatmak, daňydan aýyrmak. *Menzilme-menzil düşläp, ýük ýazdyrýarys* (A. Gowşudow). **4.** *göç. m.* Ünsi başga ýana sowmak, başga ugurdan gopmak, başga tarapa üýtgemek (gep-gürrüň we ş.m. hakynda). *Oňa bir topar soraglar berip, gürrüňini gök ekinçilige ýazdyrdym* (N. Pomma).

**ÝAZGARMA** [ýa:zğarma], *iş ady.* Ýazgarmak ýagdaýy.

**ÝAZGARMAK** [ýa:zğarmak], *işl.* Nädogry hereketi, işi üçin berk käýemek.

**ÝAZGARMAKLYK** [ýa:zğarmaklyk], *iş ady.* Ýazgarmak ýagdaýy.

**ÝAZGARYLMAK** [ýa:zğarylmak], *işl.* Nädogry hereketi, işi üçin berk käýelmek. *Munuň üçin men ýazgarylaryn* (N. Saryhanow).

**ÝAZGARYŞ** [ýa:zğaryş], *iş ady.* Ýazgarmak ýagdaýy.

**ÝAZGY** [ýazğy], *at.* **1.** Kagyza ýa-da başga bir zadyň ýüzüne ýazylan gysgajyk hat. *Bu ýazgy bizi çuň oýa batyrýar* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Ses ýazýan enjam arkaly ýazylan ses.

**ÝAZGYN** [ýazğyn], *syp.* **1.** Ýazylyp ýatan, ýaýrap giden. **2.** Endigan ýazylgy, gyradeň, tekiz. *Ýazgyn matanyň ortasyna gowurga dökdi.*

**ÝAZGYNLYK** [ýazğynlyk], *at.* **1.** Ýazgyn halda bolmaklyk. *Olar duzlanan baganalary ýazgynlygyna üst-üstüne endiganlap goýýardylar.* **2.***göç.m.* Az wagtlaýyn dynç almak üçin berilýän pursat, wagt, arakesme, ýazylgançylyk.

**ÝAZGYT** [ýazğyt], *at.* Biriniň ýa-da bir zadyň durmuş wakalary bilen şertlenen ýagdaýy, durmuş ýoly; takdyr, ykbal. *Ýazgyt şeýledir diýip, ol Allanyň edenine şükür etdi.*

**ÝAZLAG** [ýa:zlağ], *at.* Ýaz aýlary goýun-geçi sagmak üçin göçülip barylýan otluk öri meýdany. *Ýazlagyna ýag döken, käbäm, Gyşlagyna gül eken, käbäm* (Halk döredijiliginden). *Eýläk atyp Garagumuň gyşyny, Ýazlag wagty görseň çopan goşuny* (K. Gurbannepesow).

**ÝAZLAGÇY** [ýa:zlağçy], *at.* Ýazlaga çykan adam, hojalyk. *Bu günki howa ýazlagçy gyz-gelinleriň ruhlary göterilip, ýelmik-ýuwa çöplemäge çykdylar* (H. Derýaýew).

**ÝAZLAMA** [ýa:zlama], *iş ady.* Ýazlamak ýagdaýy.

**ÝAZLAMAK** [ýa:zlamak], *işl.* **1.** Ýazlagda ýaşamak, ýazlag ýerine göçüp barmak. *Ýazlaýan çarwalaryň arasynda gezmäniň-de, aw yzynda ymtylmanyň-da aýratyn lezzeti bardy!* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Bolelinlikde ýaşamak, erkin ýaşamak. *Bir gün bular: "Pylan ýerde bir otluk meýdan bar, şoňa ýazlamaga gideliň" diýip, maslahat edýärler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝAZLAMAKLYK** [ýa:zlamaklyk], *iş ady.* Ýazlamak ýagdaýy.

**ÝAZLATDYRMAK** [ýa:zlatdyrmak], *işl.* Ýazlatmaga mümkinçilik berdirmek.

**ÝAZLATMAK** [ýa:zlatmak], *işl.* Maly ýazlagda bakmak. *Bu ýyl goýunlarymyzy gowy ýazlatdyk.*

**ÝAZLAÝYŞ** [ýa:zlaýyş], *iş ady.* Ýazlamak ýagdaýy.

**ÝAZLYK** [ýa:zlyk], *syp.* Ýazda ekilýän, ýaz paslynda ekilip, soň hasyly ýygnalýan. *Ýazlyk bugdaý.*

**ÝAZMA I, II,** *iş ady.* Ýazmak ýagdaýy.

**ÝAZMA** [ýa:zma], *iş ady.* Ýazmak ýagdaýy.

**ÝAZMAÇA,** *hal.* Ýazylyp beýan edilýän, hat üsti bilen. *Ýazmaça haýyş.*

**ÝAZMAK I,** *işl.* **1.** Kagyzyň ýa-da başga bir zadyň ýüzüne belgiler (harplar, sanlar we ş.m.) şekillendirmek. **2.** Eser döretmek. **3.** Birine bir zat hakda ýazmaça habar bermek, ýüzlenmek. *Ol hatynda basym bize myhmançylyga geljekdigini ýazypdyr.* **4.** Bir zat üçin biriniň adyny sanawa goşmak, girizmek. *Meniň adymy hem ýazyň!* **5.** *gepl.d.* Biriniň üstünden şikaýat edip, ýokary guramalara ýazmaça ýüzlenmek.

**ÝAZMAK II,** *işl.* **1.** Düşäp goýmak, düşek atmak, düşemek. – *Uly halymyzy ol tamymyza ýazdyk – diýip, ol garrylary ikinji otaga çagyrdy* (N. Saryhanow). **2.** Ýaýradyp goýmak, pytratmak. *Ol kaky teläriň üstüne ýazdy.* **3.** Ýygyrdyny, epinini düzlemek, ýazgyn etmek, gatyny açmak. *Ol çermelgi ýeňini ýazyp, üst-başyny düzedişdirdi.* **4.** *göç.m.* Gaçmak, ökje götermek, ýazzyny bermek. *Gümmürdi çykan wagty men arkanlygyna ýazdym* (A. Gowşudow).

◊ **Penjäni ýazmak 1)** dyrnakly ýyrtyjy haýwanlar hakda: penjäni ýazyp gaçmak. **2)** *göç.m.* gaçmak. *Bagbany gören çagalar penjäni ýazdylar.*

**ÝAZMAK** [ýa:zmak], *işl.* **1.** Ildirilen, gurlan ýerinden sypmak, boşamak. *Gapan ýazypdyr.* **2.** Duran ýerinden çykmak, bölünip aýrylmak, sypmak. *Eňeklerim ýazyp gelýär.* **3.** Başga ýana sowulmak, başga tarapa ugrukmak, üýtgemek. *Oturylyşygyň soňy aýdyma ýazdy.*

**ÝAZMAKLYK I, II,***iş ady.* Ýazmak ýagdaýy.

**ÝAZMAKLYK** [ýa:zmaklyk], *iş ady.* Ýazmak ýagdaýy.

**ÝAZMAZLYK,** *iş ady.* Ýazmak işini ýerine ýetirmezlik. *Öýlänçi ýene turup ugrady, bu bizi asyl ýazmajakmyka?!* (A. Gowşudow). *Içiniň agyrysy Batyry ýazmady* (B. Kerbabaýew).

**ÝAZSYRAMAZLYK**, *iş ady.* Ýazy ýaza meňzemezlik, ýazy ýaz bolmazlyk. *Gyşy gyşsyramadygyň ýazy ýazsyramaz* (Nakyl).

**ÝAZUW I,** *syp., at.* Ýazmak bilen bagly (iş). *Ertesi irden ýazuw işlerini gutaryp, Şiriniň ýanyna gitdi* (B. Pürliýew).

**ÝAZUW II,** *at.* Ýazmak üçin ulanylýan belgiler ulgamy, ýazgy, hat. *Arap ýazuwy.*

**ÝAZU-GYŞ** [ýa:zu:-ğyş], *at.* Ýaz we gyş, ýaz hem gyş. *Bu bag ýazu-gyş gök salyp otyr.*

**ÝAZUW-BOZUW** [ýazuw-pozuw], *at.* **1.** Hat-ýazuw. **2.** *gepl.d.* Çeper döredijilik.

**ÝAZY** [ýa:zy], *at.* **1.** *kön.s.* Ýalazy meýdan. *Çyrag ýanmaz ýazy ýerde* (Hoja Ahmet Ýasawy). **2.** Oglana dakylýan at.

**ÝAZYBERMEK** [ýazyvermek], *işl.* Ýazyp başlamak; ýazmagy dowam etdirmek. *Şeýt-de düzmäniň yzynam ýazyber.*

**ÝAZYJY,** *at.* Çeper, edebi eserleri ýazmak bilen meşgullanýan adam. **2.** *gepl.d.* Şikaýat ýazmagy endik edinen.

**ÝAZYJYLYK,** *at.* Ýazyjynyň käri.

**ÝAZYK** [ýa:zyk], *at.* Nädogrulyk, ýalňyşlyk bilen edilen hereket, etmiş, günä, aýyp. *Gurban ýalbardy Näzige, Sütem etme men ýazyga* (Ç. Aşyrow).

◊ **Ýazygy ýaman** kysmaty ýaman, biçäre, pahyr, görgüli.

**ÝAZYKLY** [ýa:zykly], *syp.***1.** Jenaýat iş eden, etmişli, günäli. *Sen meni ýazykly etjek bolýarmyň?* (N. Pomma). **2.** Aýyply, müýnli. *Onsoňam ol, näme üçindir, ýazykly ýylgyrýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ÝAZYKLYLYK** [ýa:zyklylyk], *at.* Ýazygy barlyk, ýazykly bolmaklyk.

**ÝAZYKSYZ** [ýa:zyksyz], *syp.* Ýazygy ýok, ýazygy bolmadyk. *Ony ýazyksyz ýere ýazgarýardy* (G. Kulyýew).

**ÝAZYKSYZLYK** [ýa:zyksyzlyk], *at.* Ýazygy ýokluk, ýazykly dällik, ýazyksyz bolmaklyk.

**ÝAZYLGANÇYLYK** [ýazylğançylyk], *at, ser.* **Ýazylganlyk**.

**ÝAZYLGANLYK** [ýazylğanlyk], *at.* Arkaýynlyk, erkinlik. *Han küýli her ýere barsa-da, işlemese, özüne ýazylganlyk ýokdugyny bildi* (A. Durdyýew).

◊ **Ýazylganlyk bermezlik** öz gününe, erkine goýmazlyk.

**ÝAZYLGY** [ýazylğy], *syp.,hal.* **1.** Kagyzyň we ş.m. zadyň ýüzüne ýazgy ýazylan, ýazgy geçirilen. *Onuň alanlarynyň bary mende ýazylgy durandyr* (A. Durdyýew). **2.** Düşek düşelen, düşek atylan. *Ol näme ederini bilmän, ýazylgy duran düşegiň üstüne özüniň ýadaw göwresini goýberdi* (N. Saryhanow).

**ÝAZYLMAK I,** *işl.* **1.** Kagyzyň, daşyň, agaç gabygynyň, deriniň we ş.m. ýüzüne bir zady aňladýan ýazgy şekillendirilmek. *Biziň ata-babalarymyz tarapyndan geçmişde daşlaryň ýüzüne uzynly-gysgaly ýazgylar ýazylyp galdyrylypdyr.* **2.** Beýan edilmek. **3.** Ýazmaça habar berilmek, ýüzlenilmek. *Ylmy maslahat geçirilýänligi hakynda ýerlere öňünden hat ýazylyp habar berildi.* **4.** Bir zada goşulmak, almak we ş.m. üçin adyň berilmek. *Men "Türkmen dili" gazetine ýazyldym.* **5.***göç.m.* Biriniň üstünden şikaýat edilmek. **6**. *göç.m.* Nesip etmek, miýesser bolmak, duşmak. *Seniň ýaly maşgala meniň ogluma-da ýazylsyn-da hudaýym!* (A. Durdyýew).

**ÝAZYLMAK II,** *işl.* **1.** Düşelip goýulmak, düşelmek. *Ýere ilki palas düşelip, üstündenem uly, galyň keçeler ýazyldy, her keçäniň gyrasyna ikiden-üçden ýassyk taşlandy.* **2.** Ýaýradylyp goýulmak, pytradylmak. *Gök ýapraklaryň aralary bilen geçen gün şöhleleri ýol üstüne ýazylan apbasy-çapraz ýaly ýylpyldy bilen oýnaýardy* (B. Kerbabaýew). **3.** Ýazgyn edilmek, epini, ýygyrdy düzedilmek. *Ütük basylandan soň, ýygyrtlar ýazyldy.* **4.** Ýazzyny bermek, gaçylmak, ökje göterilmek.

◊ **Ýere ýazylmak** *ser.* **Ýer**. *Ol ylgap gelşine aýagy bir zada büdräp, ýere ýazylyp gitdi.*

**ÝAZYLMAK III,** *işl.* Aýak ýoluna gitmek, ýazynmak, ýeňläp gelmek. *Ýazylaýyn hem odun alyp geleýin diýip, daş çykdym* (N. Pomma).

**ÝAZYLYŞMAK** [ýazlyşmak],*işl.* Biri bilen nikalaşmak. *Pökgen öz ýanyndan gyzy Baharyň söýşüp ýazylyşyny Hoşgeldidendir öýdüp pikirlenýärdi* (A. Gowşudow).

**ÝAZYNMAK I,** *işl.* Özüň üçin ýazmak. *Biz gum depesiniň üstünde aşagymyza oýluk ýazynyp otyrys* ("Edebiýat we sungat").

**ÝAZYNMAK II,** *işl.* Aýak ýoluna gitmek, ýazylmak.

**ÝAZYNYŞMAK,** *işl., gepl.d.* Dynç almak, ýadawlykdan aýňalmak. *Aşyk Aýdyň pir hem: — Kerem jan, dem-dynç alyp ýazynyşyň – diýip, ýene bäş-alty gün boldy* ("Görogly").

**ÝAZYŞDYRMAK I,** *işl.* Hat işlerini edişdirmek. *Hat-petek işlerimi ýazyşdyrdym.*

**ÝAZYŞDYRMAK II,** *işl.***1.** Hemmesini ýere düşeşdirmek, ýere ýazyp çykmak. *Sen hol keçäni, ýorgan-düşekçäni, ýassygy al-da, gapynyň gündogaryndan ýazyşdyr* (S. Myradow). **2.** Ýygyrdyny, epinini düzedişdirmek, gatyny açyp, ýazgyn hala öwrüp çykmak. *Kagyzyň epinlerini ýazyşdyrmak.*

**ÝAZYŞMAK I,** *işl.* **1.** Biri-biriňe jogap hökmünde hat alyşmak. *Biri-birine kän-kän hatlar ýazyşdylar* (N. Saryhanow). **2.** Ýazmaga kömek etmek. *Ogly enesine hat ýazyşdy.*

**ÝAZYŞMAK II,** *işl.* **1.** Ýazmaga kömek bermek. *Düşek ýazyşmak.* **2.** Bilelikde ýazmak. *Olar düşek ýazyşyp ýör.*

**ÝAZYŞMAK** [ýa:zyşmak], *işl.* Ildirilen, gurlan ýerlerinden sypmak. *Petleler ýazyşypdyr.*

**ÝAZZY: ýazzy maňlaý** çat maňlaý, gabat öň tarap. *Gyzyň ýazzy maňlaýyna bardy* ("Görogly"). **Ýazzyny bermek** gaçmak, ökje götermek. *Emma ol birden turdy-da, ýykanda-sürän bolup ýazzyny beräýdi* ("Görogly").

**ÝE** [ýe:], Türkmen milli elipbiýiniň "Ý" harpynyň ady.

**ÝEDI,** *san.* 7 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

◊ **Ýedi arka** adamyň özünden başlap öten ýa-da geljek ýedi nesli. **Ýedi arka meňzemän, ýerden göterene meňzärin** ene-ata, nesliň beýleki adamlaryna çekmän, göbek enä meňzemek (çaga barada). *Çaga: "Ýedi arka meňzemerin, ýerden göterene meňzärin" diýermişin.* **Ýedi batman unuň hamyrmaýasy** ähli zadyň sebäpkäri, belanyň körügi. *Ýedi batman unuň hamyrmaýasy şu el ýaly garry aýal bolaýdymy?* **Ýedi bigäne** *ser.* **Ýedi ýat. Ýedi derýanyň suwuny içen** diýseň mekir, durmuş tejribesi uly, etjegi içinde, köpi gören, köp çarşenbäni başyndan geçiren. *Ol jansyzlaryň içinde hem ýedi derýanyň suwuny içen, köpbilmiş garry bardy* ("Görogly"). **Ýedi gapyda ýer tapmadyk** baran ýerinde ýüz tapmaýan, orun tapmaýan, hemme ýerden kowlup ýören; bozgak, ýaramaz adam. **Ýedi gat ýere salmak (sokmak) 1)** il masgarasy etmek. **2)** ýok etmek, öldürmek. *Päk adamy goýmaz ýaly azarda, Ony men ýedi gat ýere salardym* (B.Kerbabaýew). **Ýedi jynyň biri bolmak** gaty halamazlyk, ýigrenmek, ýekirmek. **Ýediň enesi ýaly** özüni gaty arkaýyn, erkin alyp barýan, özüne göwni ýetýän, janyna agram salmaýan. **Ýedi ojagy düzlän** baran ýerine agzalalyk salýan, aýagy düşümsiz, oňşuksyz. **Ýedi ölçe (biç) bir kes** maslahatly, geňeşli bol, oýlanyşykly bol, çigini goýma. *Babalarymyzyň "Ýedi*

*ölçe-de bir kes" diýen sözüni ýatdan çykarmalyň* (H.Derýaýew). **Ýedi pyşdyna ýetmek** biriniň tohum-tijine sögmek. **Ýedi pyşt** *ser.* **Ýedi arka.** *Men bu adamlaryň ýedi pyşdyna belet, gowy ýerdir.* **Ýedi uklaňda ýada düşmezlik** hiç ýadyňa gelmezlik, ýadyňda-oýuňda ýokluk. **Ýedi yklym** gadym zamanlarda Gündogar ýurtlarynyň ýaşalýan ýerleriniň ýedi sany şertli bölegi. *Ýedi yklymdan paç alyp oturan bir uly patyşa bardy* ("Görogly"). **Ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşla çenli** uludan-kiçä hemme kişi, ýerden ýörär. **Ýedi ýoluň bendi** ýollaryň çatrygy. **Ýedi ýat** ýedi arkadan aňyrky, garyndaşlyk taýdan daşlaşan adamlar; bigäne, keseki. *"Dogan bilen guda boldum, Doganlykdan jyda boldum" nakylynyň ündeýan pikirine eýerip, ol ýedi ýat bilen guda boldy.* **Ýedi ýoluň ustünde** köpüň gözüniň öňünde, hemmä äşgär. **Ýedi ýoluň üstünde irkilmek** wakalaryň bolup geçýän ýerindekäň hiç zatdan habarsyz galmak.

**ÝEDIÇILLE,** *at.* **1**. Tarada dokalýan matanyň inini kesgitleýän ölçeg birligi. **2.** Ýediçille keteni dokalanda ulanylýan darak.

**ÝEDIDAMAK,***syp.* Dürlü-dümen iýmegi, köp iýmegi halaýan. *Ol bir ýedidamak adam ekeni.*

**ÝEDIDÜRLI** [ýedidürlü], *at.* Içinden ýedi dürli sapak geçýän, zol-zol çyzmykly elde dokalýan mata.

**ÝEDIGAJAR** [ýediğajar], *at.* Oýun ady, ýeditop.

**ÝEDIGEN** [ýediğen], *at.* Asmanyň demirgazyk tarapynda görünýän ýedi ýyldyzdan ybarat ýyldyzlar topary. *Ýedigenim ýedi ýyldyz, ýedi göçer, ýedi gonar, sanasam, sogaby bar* (Sanawaç).

**ÝEDIGÖZ** [ýediğöz], *at. haýwanat d.* Ýylan ýaly uzyn, böwri ýedi sany mese-mälim bildirip duran tegelek menekli balyk.

**ÝEDILEME,** *at, edeb.* Her bendi ýedi setirden düzülen köp bogunly şygyr.

**ÝEDILIK,** *at.* **1**. 7 belgisi bilen aňladylýan haýsydyr bir zadyň ady. **2**. Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Ýedilik pelteli çyra içerini oňly ýagtyldyp bilmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝEDINJI,** *san.* 7 sanyndan ýasalan tertip san. *Goşgynyň ýedinji bendi.*

**ÝEDISI,** *at.* Ölen adama degsin edilýän ýedinji gün. *Öleniň üçüni, ýedisini, kyrkyny, ýylyny berýärdiler* (B. Seýtäkow).

**ÝEDITOP,** *at.* Iki tarap bolup, taýak bilen pökgi urlup oýnalýan milli oýun.

**ÝEG** [ýeğ], *syp.* Gowy, oňat, ýagşy. *Yssy beren köpek ýegdir Uýatsyz, kararsyz ärden* (Magtymguly).

**ÝEGDEKLEME** [ýeğdekleme], *iş ady.* Ýegdeklemek ýagdaýy.

**ÝEGDEKLEMEK** [ýeğdeklemek], *işl.* Eglibräk çalt ýöräp gitmek, çalt ädimläp ýöremek. *Düýesiniň çekmedik azygyny öz gerşine alyp, garader ýegdekläp gelýänler hem kändi* (B. Kerbabaýew).

**ÝEGDEKLEŞMEK** [ýeğdekleşmek], *işl.* Bir topar bolup ýegdeklemek.

**ÝEGDEKLETMEK** [ýeğdekletmek], *işl.* **1.** Ýegdeklemäge mejbur etmek. **2.** Ýegdeklemegine sebäp bolmak.

**ÝEGDEKLEÝIŞ** [ýeğdekleýiş], *iş ady.* Ýegdeklemek ýagdaýy.

**ÝEGDENEKLEME** [ýeğdenekleme], *iş ady.* Ýegdeneklemek ýagdaýy.

**ÝEGDENEKLEMEK** [ýeğdeneklemek], *işl., ser.* **Ýegdeklemek.** *Ýegdenekläp gelýär bir garry ene* (M. Seýidow).

**ÝEGDENEKLEMEZLIK** [ýeğdeneklemeklik], *iş ady.* egdenekläp çalt-çaltdan ýöräp gitmezlik.

**ÝEGDENEKLEŞMEK** [ýeğdenekleşmek], *işl.* Bir topar bolup ýegdekläp gelmek, ýörmek. *Gazanyň ýanynda ýegdenekleşip ýörenler ady belli aşpezlerdi.*

**ÝEGDENEKLETMEK** [ýeğdenekletmek], *işl.* **1.** Ýegdekläp ýörer ýaly etmek, ýegdeklemäge mejbur etmek. **2.** Biriniň ýegdeneklemegine sebäp bolmak.

**ÝEGDENEKLEÝIŞ** [ýeğdenekleýiş], *iş ady.* Ýegdeneklemek ýagdaýy.

**ÝEGDENEKLÄBERMEK** [ýeğdeneklä:vermek], *işl.* Hiç zada üns bermän, öz ugruňa ýegdeneklemegiňi dowam etdirmek.

**ÝEGDÄNE** [ýeğdä:ne], *at.***1.** Üzümiň bir göşnüşi. **2.** Şol üzüm agajynyň ir bişýän ýeke däneli miwesi. *Ýegdäne üzüminden, köplenç, kişmiş serilýär.*

**ÝEGEN** [ýeğen], *at.* **1.** Aýal doganyňdan bolan çaga. *Akar suwuň tolkuny, Aýyň, günüň ýalkymy, Bedew atyň uýany, Beg ýigidiň ýegeni* (Hüwdi). **2.** Ýegen ugrundan bolan adam. **3.** Oglana dakylýan at.

**ÝEGENÇI** [ýeğençi], *at.* Aýal doganyňdan bolan gyz maşgala. *Ol hemişe geleninde, çagalaryma: – Ýegenjigim, ýegençim – diýip, gaty gowy görýärdi* (A. Durdyýew).

**ÝEGESI** [ýeğesi], *at.* Jöwen ýa-da arpa unundan bulamak görnüşinde gaýnadylyp taýýarlanan nahar. *Ýer doňup, darka ýarylmasa-da, onuň ýüzi ýegesi ýaly kesmekläp gatapdy* (N. Pomma).

**ÝEGIŞMEK** [ýeğişmek],ş *işl.* Ýegşermek. *Agyr ýüküň aşagynda ýegşäýjek bolup, yhlasly ýorgalaýan daýaw eşek ýoly tozan edip, eýesinden ara açyp gitdi* (N. Jumaýew).

**ÝEGMAL** [ýeğma:l], *at. ösüml.* Gumda bitýän ýasy ýaprakly, garaja däneli ot.

**ÝEGRE** [ýeğre]: **ýegre dost** ýürekdeş dost, jana-jan, ýakyn dost. *Olar ýegre dostdular.*

**ÝEGRÄK** [ýeğirä:k], *syp. kön.s.* Gowurak, ýagşyrak.

**ÝEGSAN** [ýeğsa:n]: **ýegsan etmek** ýok etmek, ýykan-ýumran etmek, düp-düz etmek, ýumurmak.

**ÝEGŞERIBERMEK** [ýeğşerivermek], *işl.* **1.** Öz ugruňa ýegşerip ýörmek, gelmek, gitmek. **2.** Ýegşerip başlamak.

**ÝEGŞERILMEK** [ýeğşerilmek], *işl.* Arkadaky ýüküň agyrlygyndan egilmek, biliň bükülmek. *Men şeýle bir ýegşerildim, edil bir gysym bolaýdymmykam öýtdüm* (R. Gelenow).

**ÝEGŞERIŞ** [ýeğşeriş], *iş ady.* Ýegşermek ýagdaýy.

**ÝEGŞERIŞMEK** [ýeğşerişmek], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde ýegşermek. *Olar arkasy ýükli ýegşerişip barýardylar.*

**ÝEGŞERME** [ýeğşerme], *iş ady.* Ýegşermek ýagdaýy.

**ÝEGŞERMEK** [ýeğşermek], *işl.***1.** Agyr ýük, agyrlyk zerarly ýapyrylmak, biliňi bükmek. *Üstüne ýük atylanda, eşekler bir az ýegşerýär* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Jepa, jebir, horluk zerarly, ruhy taýdan pese düşmek, süteme çydaman asgynlamak. *Agyr ýük astynda galan dek ýegşerdi* (A. Gowşudow). *Ýegşerip oturmak.* **3.***göç.m.* Garrylyk zerarly biliň bükülmek, güýçden galmak.

**ÝEGŞERMEKLIK** [ýeğşermeklik], *iş ady.* Ýegşermek ýagdaýy.

**ÝEGŞERMEZLIK** [ýeğşermezlik], *iş ady.* Ýegşermän durmak, ýegşermän ýörmek.

**ÝEGŞERTMEK** [ýeğşertmek], *işl.* **1.** Ýegşermäge mejbur etmek. *Agyr ýük eşegiň bilini ýegşertdi.* **2.** *göç.m.* Jebir, horluk, agyr zähmet ruhy taýdan pese düşürmek, güýç-kuwwatdan gaçyrmak. *Oslagsyz çykan waka Garajany ýegşertdi* (R. Gelenow).

**ÝEK**, *at*, *kön.*s. Melgun.

◊ **Ýek görmek** erbet görmek, ýaman görmek, ýigrenmek. **Ýek görünmek** erbet görünmek. **Ýek ýigrendigi (ýigreneni)** iň erbet görýäni.

**ÝEKATAR** [ýekata:r], *syp., gepl.d.* Ýekenil. *Uzyn nilli ýeketar tüpeň.*

**ÝEKE,** *san.***1.** Bir. *Bir otagda ýeke özi.* **2.** Diňe bir, ýalňyz. *Ýeke gezen heder eder* (Nakyl).

◊ **Ýeke çykan** ile goşulmaýan, iliň ugruna gitmeýän, ýeke özüni bilýän. *Ýeke çykana ýeke kesek* (Nakyl). **Ýeke dikrar** ýeke-täk perzent, zürýat. **Ýeke elli** 1) ýeke, bir eli bar, golsuz (adam). 2) kömekçisi, gol-kömegi bolmadyk, ýok. *Ýeke elli bolsaň, bar işi özüň etmeli bolýaň.* **Ýeke gepli** bir diýeninden dänmeýän, öz diýenini edýän. **Ýeke görmek 1**) birini, bir zady bir gezek görmek. **2**) ýeke, ýalňyz hasaplamak. *Näme, ony ýeke görüp, üstüne azgyrylyşyp durmalymy?* **Ýeke öýliniň horazy ýaly** özüni hondanbärsi tutýan, gopbamsy. *Ýeke öýliniň horazy ýaly, pat-patlap ugrady* ("Görogly"). **Ýeke özi** hiç kim bilen däl-de, diňe özi. *Garaňkynyň içinde gorkman ýeke özüň geldiňmi?*

**ÝEKEBARA** [ýekeva:ra], *syp.* Hojalygyny özbaşdak dolandyrýan daýhan.

**ÝEKEBARAÇYLYK** [ýekeva:raçylyk], *at.* Ýekebara hojalyk ýagdaýy.

**ÝEKEBARALYK** [ýekeva:ralyk], *ser.* **Ýekebaraçylyk**.

**ÝEKEDABAN** [ýekeda:van], *at.* Demir sozmak, daş owratmak, gazyk kakmak üçin ulanylýan ullakan çekiç. *Ol çym gyzyl bolup duran uzyn demri körükden çykaryp, ony ýekedaban bilen ýençgiläp durdy* (B. Pürliýew).

**ÝEKEDYZ** [ýekedy:z]: **ýekedyz oturmak** bir dyzyňy üstünde oturmak. *Ol ýekedyz oturyp, galamyny, depderini eline aldy.*

**ÝEKEGAPAN** [ýekeğapan], *at.* Ýabany erkek doňuz. *Ozalda biriniň ölemen gorkýan zady ýekegapan eken* (H. Garabaýew).

**ÝEKEGÖZ** [ýekeğöz], *at.* Bir gözli. *Sagatçy äýnegini maňlaýyna goýup, ýekegöz dürbi bilen sagada seredýär* (B. Kerbabaýew).

**ÝEKEJE,** *san.* Bary-ýogy bir; köpden bir özi galan. *Bu kitaplardan ýekejesi bar.*

**ÝEKE-IKI,** *hal.* Bir ýa-da iki. *Garaňky düşenden soň ýeke-iki bolup gezmejek boluň!*

**ÝEKELEME,** *iş ady.* Ýekelemek ýagdaýy.

**ÝEKELEMEK,** *işl.* **1.** Gür gögeren ekinleriň gerekmezini sogrup selçeňletmek, seýrek etmek. *Olar gowaçalary ýekeleýärdi.* **2.** Birini kemsidip, ony ýeke goýmak, ýeke galdyrmak, ýekirmek. **3**. Birini köpläp urmak. *Ony ýekelediler.*

**ÝEKELEMEKLIK,** *iş ady.* Ýekelemek ýagdaýy.

**ÝEKELENMEK,** *işl.* **1.** Gür gögeren käbir ekinleriň gerekmezi sogrulyp selçeňledilmek. **2.** Üstüňden düşülmek, ara alynmak, köpçülikden çetleşdirilmek, ýekirilmek.

**ÝEKELEŞDIRMEK,** *işl.* Ýekeläp çykmak, ýekelemek işini geçirmek, selçeňletmek.

**ÝEKELEŞMEK,** *işl.* **1**. Ýekelemäge kömek bermek. *Birine gämik ýekeleşmek.* **2**. Bilelikde ýekelemek. *Gyzlar gowaça ýekeleşip ýör.*

**ÝEKELETMEK,** *işl.* **1**. Ýekelemek işini başga birine ýerine ýetirtmek. *Gowaça ýekeletmek.* **2.** Ýekelemäge mümkinçilik bermek. *Gämikleri maňa ýekeledermiň?*

**ÝEKELEÝIN,** *hal.* Bir-birden, ýeke-ýekeden, ýekeden. *Gawun ýekeleýinem, bir ýerden lomaýam satylýar.*

**ÝEKELEÝIŞ,** *iş ady.* Ýekelemek ýagdaýy.

**ÝEKELIK,** *at.* Ýeke adamyň ýagdaýy, ýalňyzlyk, ýoldaşsyzlyk. *Ýekelik hudaýa ýagşy* (Nakyl).

**ÝEKELIKDE,** *hal.* Aýratynlykda, aýry-aýrylykda. *Uçurymlar ilki ýeke-ýekelikde, soňam umumy surata düşdüler.*

**ÝEKELLI,** *syp.* Hojalygynda işe ýaraýan, kömek edýän adamy, kömekçisi bolmadyk, hemme işi özi edýän (*ser.* **Ýeke: ýeke elli**). *Gülsoltan eje mydama ýekelli bolup, güzeranyň ähli hyllallaryny täk özüniň gerdeninde çekdi* (T. Gurbanow).

**ÝEKELLILIK,** *at.* Ýekelli bolmaklyk, kömekçisizlik. *Ýekelliligiň özi gowy zat däl* (B. Kerbabaýew).

**ÝEKEMEN,** *syp.* Garasöýmez, ýekeligi halaýan. *Ýekemen güjük.*

**ÝEKEME-ÝEKE** *hal.*Ýeke-ýeke, ýeke-ýekeden, bir-birden, birin-birin. *Ol töweregindäkiler bilen ýekeme-ýeke hoşlaşyp, daşary çykdy* (G. Kulyýew).

**ÝEKEN,** *at. ösüml.* Ýasy baldaklaryndan örme zatlar edilýän, süýji kökli köpýyllyk ösümlik.

**ÝEKENIL** [ýekeni:l], *syp.* Bir nilli ýeke ok atýan aw tüpeňi. *Ol ýekenil aw tüpeňini gözleýärdi* (A. Gowşudow).

**ÝEKENLIK,** *at.* Ýeken ösümliginiň köp biten ýeri. *Ýekenlikde doňuz duş gelýärdi.*

**ÝEKEŇEK,** *at.* Kürtäniň ýakasyna salynýan barmak nagşynyň bir görnüşi.

**ÝEKESIREME,** *iş ady.* Ýekesiremek ýagdaýy.

**ÝEKESIREMEK,** *işl.* Özüňi ýeke duýmak, ýalňyzlykda ýürek gysmak, ýeke bolup darykmak. *Belki, bazardan alan goýnumyz ýekesireýändir. Ol ilki bada ýekesiredi.*

**ÝEKESIREMEKLIK,** *iş ady.* Ýekesiremek ýagdaýy.

**ÝEKESIREMEZLIK,** *iş ady.* Özüňi ýeke duýmazlyk, ýalňyz duýmazlyk.

**ÝEKESIRETMEK,** *işl.* **1.** Birini ýeke, ýalňyz goýup, ýüregini gysdyrmak. *Sary aga, seni ýekesiredip bolmaz ahyry* (B. Kerbabaýew). *Men bu garrylary ýekesiredip gidip bilmerin.*

**ÝEKESIREÝIŞ,** *iş ady.* Ýekesiremek ýagdaýy.

**ÝEKESIRÄBERMEK** [ýekesirä:vermek], *işl.* **1.** Ýekesiräp başlamak. *Näme, birden ýekesiräberdiň-le?* **2.** Ýekesiräp oturmak.

**ÝEKE-TÄK** [ýeke-tä:k], *hal.* Diňe bir özi, ýalňyz, ýeke özi.

**ÝEKE-TÄKLIK** [ýeke-tä:klik], *at.* Ýekelik, ýeke-täk bolmaklyk, ýalňyzlyk.

**ÝEKE-ÝEKE,** *hal.* Birin-birin, bir-birden, ýeke-ýekeden, ýekeme-ýeke, ýekän-ýekän, başdanaýak. *Ol alan zatlaryny ýeke-ýeke sanap gördi* (N. Pomma).

**ÝEKE-ÝEKEDEN,** *hal, ser.* **Ýeke-ýeke.** *Perman tamdakylary ýeke-ýekeden gözden geçirdi* (G. Kulyýew).

**ÝEKÄNME-ÝEKÄN** [ýekä:nme-ýekä:n], *hal, ser.* **Ýekän-ýekän.** *Ýadymda hemmesi şu günki ýaly, Geçýär göz öňümden ýekänme-ýekän* (M. Myşşyýew).

**ÝEKÄN-ÝEKÄN** [ýekä:n-ýekä:n], *hal.* Birini sypdyrman, bir ýan ujundan, hemmesini birin-birin. *Öý eýesi toýa gelen adamlar bilen ýekän-ýekän görşüp, güler ýüz bilen olaryň oturmaly ýerini görkezýärdi.*

**ÝEKIRIBERMEK** [ýekirivermek], *işl.* **1.** Ýekirip başlamak. **2.** Ýekirip ýörmek.

**ÝEKIRILMEK,** *işl., ser.* **Ýekirmek.** *Ýekirildiň mähribanym, geregim, Ajydy seň gören günüň, ajydy* (B. Hudaýnazarow).

**ÝEKIRIŞ,** *iş ady.* Ýekirmek ýagdaýy.

**ÝEKIRIŞMEK,** *işl.* Başgalar bilen bilelikde ýekirmek.

**ÝEKIRME,** *iş ady.* Ýekirmek ýagdaýy.

**ÝEKIRMEK,** *işl.* Birini gysmak, ýanamak, çete çykarmak, ýekelemek.

**ÝEKIRMEKLIK,** *iş ady.* Ýekirmek ýagdaýy.

**ÝEKIRTMEK,** *işl.* Ýekirmek hereketini başga birine etdirmek, biriniň üsti bilen amala aşyrmak.

**ÝEKSYRUN** [ýeksyru:n], *syp., gepl.d.* Erbet, diňe öz bähbidini bilýän, ýaramaz (adam).

**ÝEKŞENBE** [ýeğşemme], *at.* Hepdäniň ýedinji gününiň ady, dynç güni, bazar güni. *Biz ýekşenbe güni şähere bararys.*

**ÝEKTAÝ** [ýekta:ý], *at.* Ýeke gat, ýalaňgat don, halat. *Nurjahan ak ýektaýy geýip, otaga giren wagty Myrat töweregine göz gezdirip ýatyrdy* (B. Pürliýew).

**ÝEK-TÜK,** *hal.* Örän az, ýek-ýarym, iki-ýeke, az-owlak, birlän-ikilän; seýrek. *Gije birçene ýeten hem bolsa, ýek-tük öýleriň çyrasy öçmändi.*

**ÝEK-ÝARYM,** [ýek-ýa:rym], Seýrek, ýek-tük. *Gijara öýüne gelen mahaly, Asmanda ýek-ýarym ýyldyz göründi* (A. Kekilow).

**ÝEL,** *at.* **1.** Howanyň keseligine güýçli akymy, hereketi. *Dagy-daşy ýel bozar, adam arasyny – dil* (Nakyl). *Häkim bolsaň, halky Gün kibi çoýgul, Akarda suw ýa öserde ýel bolgul!* (Magtymguly). **2.** *lukmanç.* Ýeljikmek bilen geçýän kesel. **3.** *göç.m.* Batly gelen gahar-gazap. *Ol içiniň ýeline çydap bilmän azgyryldy.* **4.** *göç.m.* Güýçli isleg, höwes, hyjuw, gylaw. *Ol işe ýaňy gelen adam, entek onuň ýeli bar.*

◊ **Ýel almak** gören zadyň, eşiden sözüň täsirinden gahar-gazaba münmek, gaharlanmak, çişmek. **Ýel berlen tulum ýaly çişmek (gabarylmak)** gaharyň örän gaty gelmek. **Ýel bermek** bir zatdan öýkeläp, gaharlanyp ýören adama meçew bermek, götergilemek, çişirmek, gop bermek. **Ýel çalmak 1)** akylyň üýtgemek, dälirän ýaly bolmak, ýeldirgemek. **2)** yzgary gitmek, guraşmak. **3)** howasy täzelenmek. *Äpişgeleri açsaň, tama ýel çalyp durýar.* **Ýele bermek** biderek etmek, näme bolsa şol bolsun etmek, püçege çykarmak, owarram etmek. **Ýele sowurmak** biderek ýere harçlamak, ýoklamak, derek tutdurmazlyk. **Ýele-yga sowurmak** *ser.* **Ýele sowurmak.** *Puluňy ýele-yga sowrup ýörme, gyssanaňda, ökünersiň.* **Ýele – ýelken, güne – galkan (bolmak)** yssy, sowuk diýmän zähmet çekmek, işlemek. *Bütin ömrüne ýele – ýelken, güne – galkan bolup, gün-güzeranyny dolapdy.* **Ýeli çykan (boşan) meşige, (sanaja) dönmek** sussuň peselmek, gowşap galmak, keýpiň gaçmak, göwnüň çökmek. **Ýeli düşüşmek** *ser.* **Ýeli ýatmak.** *Ýok, men entek ýelim düşüşýänçä size barmaýyn* (B. Kerbabaýew). **Ýeli ýatmak** köşeşmek, rahatlanmak, gaharyň aýrylmak. **Ýel keseli** biçilmedik malyň eti iýlende, adamlarda ýarawsyzlyk, käte çiş döremek ýaly alamatlary ýüze çykarýan wagtlaýyn näsaglyk. **Ýel ösdürmek** dereginde hiç zat galdyrmazlyk, tozdurmak, dargatmak (*ser.* **Ýurdunda ýel ösdürmek**). **Ýel ýürek 1)** sähel zada gahary gelýän, dargursak, gyzma. **2)** batyr däl, gorkak, ýöwsel. **Ýel ýürek bolmak 1)** gaharjaň, dargursak bolmak, gyzma bolmak. **2)** gorkak bolmak, ýöwsellik etmek, howsala düşgüç bolmak.

**ÝELAÝAK,** *syp.* Ýyndam, ýüwrük, çapgyr. *Ylgaşmakda şondan ökde ýok diýip, Ýelaýak atdan hem galanok diýip, Obamyzda gürrüň edýärler käte* (D. Baýmyradow).

**ÝELBADYÝAN** [ýelva:dyýa:n], *at.* Şibit.

**ÝELBAG** [ýelva:ğ], *at.* Gara öýüň üzüginiň aşaky etegine berkidilip, durlugyň üsti bilen tärimiň aşaky gözenegine baglanýan ýüpler. *Jumagül öýüň ýelbagyny çözüberdi* (O. Ödäýew).

**ÝELBE** [ýelve], *at. haýwanat d.* Guş ady. *Ýedi diýdim — ýelbe, sekiz diýdim – serçe* (Sanawaçdan).

**ÝELBEGEÝ** [ýelveğeý], *hal.* Ýeňlenilmän egne atylan, ýasgynjak. *Oraz aga-da garma donuny ýelbegeý alyp, bir ýerden peýda boldy* (B. Gulow).

**ÝELDEN-YKDAN** [ýellen-y:kdan], *hal. gepl.* Dumly-duşdan, çar tarapdan, ondan-mundan. *Ýelden-ykdan uçup-gonup gelýän guşlar şadyýandy.*

**ÝELDIRGEME** [ýellirğeme], *iş ady.* Ýeldirgemek ýagdaýy.

**ÝELDIRGEMEK** [ýellirğemek], *işl.* Birneme akylyň üýtgemek. *Soňky wagtlarda ol edil ýeldirgän ýaly bolaýypdyr* (A. Gowşudow).

**ÝELDIRGEMEKLIK** [ýellirğemeklik], *iş ady.* Ýeldirgemek ýagdaýy.

**ÝELDIRGETMEK** [ýellirğetmek], *işl.* Ýeldirgär ýaly etmek.

**ÝELDIRGEÝIŞ** [ýellirgeýiş], *iş ady.* Ýeldirgemek ýagdaýy.

**ÝELE I,** *at.* **1.** Ýeliň ösýän, öwüsýän tarapy, şemal gelýän tarap, yk tarapyň garşylygy. *Gara taňkasyny doldurdy-da, oduň ýele ýanynda goýdy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Demirgazyk tarap. *Bulut ýelä geçse, ýagyş bolar diýýärler.*

◊ **Ýelesini bermek** çaşan, özünden giden adamyň ýele tarapyny açyp, köpräk howa ýeter ýaly etmek. *Adamlar, hany bu bendäniň ýelesini bereliň!*

**ÝELE II,** *at.* Kejebäniň tutusy. *Kejebäniň ýelesin, Ýel göterer, ýar-ýar* (Toý aýdymlaryndan).

**ÝELEJIK,** *at.* Kiçijik ýelek. *Guşuň ýelejigi.*

**ÝELEJIREDILMEK,** *işl.* **1.** Açyk howada gezmeledilmek, serginledilmek, şemalladylmak. *Jaýlar wagtal-wagtal ýelejiredilmelidir.* **2.** Howa çaldyrylmak (otag, geýim we ş.m. hakynda).

**ÝELEJIREME,** *iş ady.* Ýelejiremek ýagdaýy.

**ÝELEJIREMEK,** *işl.* Açyk howada gezmelemek. açyk howa çykyp, seleňlemek, şemallamak.

**ÝELEJIREMEKLIK,** *iş ady.* Ýelejiremek ýagdaýy.

**ÝELEJIREMEZLIK,** *iş ady.* Ýelejiremäge çykmazlyk.

**ÝELEJIREŞMEK,** *işl.* Bilelikde, birnäçe bolup ýelejiremek. – *Ile at berip, men ärimiň öňünde jogapkär bolup bilmen – diýip, eltisi bilen ýelejireşip öýüne gaýtdy* (H. Derýaýew).

**ÝELEJIRETDIRMEK,** *işl.* **1.** Açyk howada gezmeletdirmek, seleňletdirmek. **2.** Jaýyň içini, howa degmeýän ýerleri, zatlary ýelejiretmegi başga birine ýerine ýetirtmek.

**ÝELEJIRETMEK,** *işl.* **1.** Açyk howada gezmeletmek, seleňletmek, şemallatmak. *Geliň, sizi bir maşyna mündürip ýelejiredip geleýin.* **2.** Şemal çaldyrmak, şemallatmak.

**ÝELEJIREÝIŞ,** *iş ady.* Ýelejiremek ýagdaýy.

**ÝELEJIRÄBERMEK** [ýelejirä:vermek], *işl.* Ýelejiräp başlamak.

**ÝELEK,** *at.* Guşlaryň bedenini örtýän iki gapdaly sütüklije ösüntgi, per. *Tilkijik dişi bilen gargany gysyp, ýelejigi bilen iýýär* ("Türkmen halk ertekileri"). *Guşuň ýelegi. Towugyň ýelegi.*

◊ **Ýelek ýaly** örän ýeňil, agramsyz, ýeňiljek, guş ýaly.

**ÝELEKE,***syp.* Şemal çalýan, şemal gelýän, şemal urýan (ýer). *Adamlar bu ýeri ýeleke, yga geçeliň!*

**ÝELEKLEME,** *iş ady.* Ýeleklemek ýagdaýy.

**ÝELEKLEMEK I,** *işl.* Ýelek çykarmak, ýelek bilen örtülmek. *Guşuň çagajyklary ýelekläp başlapdyr.*

**ÝELEKLEMEK II,** *işl.* Çaga ok-ýaýynyň okuna ýelek dakmak.

**ÝELEKLEMEKLIK I,** *iş ady.* Ýeleklemek ýagdaýy (ýelek çykarmak hakynda).

**ÝELEKLEMEKLIK II,** *iş ady.* Ýeleklemek ýagdaýy (ýelek dakmak hakynda).

**ÝELEKLEŞMEK,** *işl.* Oka ýelek dakmaga kömek etmek.

**ÝELEKLETMEK,** *işl.* Oka ýelek dakdyrmak.

**ÝELEKLEÝIŞ,** *iş ady.* Ýeleklemek ýagdaýy.

**ÝELEKLÄBERMEK** [ýeleklä:vermek], *işl.*Ýelek çykaryp başlamak. *Jüýjeler ýelekläberdiler.*

**ÝELEN,** *at.* Kejebäniň tutusy.

**ÝELESE,** *syp.* Bolar-bolgusyz, kelç-külç. *Bolar-bolmaz ýelese gürrüň hem ýok.*

**ÝELESINE-YGYNA** [ýelesine-y:ğyna]: **ýelesine-ygyna düşüp bolmazlyk** gylygy durnukly bolmazlyk, ugruna düşünip bolmazlyk, haýsy tarapdan öwüsýändigini biler ýaly dällik. *Biz-ä bilmedik, asyl seniň ýeläňe-ygyňa düşer ýaly däl.*

**ÝELEÝÜPI** [ýeleýüpü], *deňizç.* Ýelkeniň ýele tarapyndan gämä pugta baglanýan ýüp.

**ÝELGAMAK** [ýelğamak], *at.* Ýukajyk tagtanyň her ujuna terslin-oňlyn ýelmenip, ortasynda çüý bilen taýajyga berkidilip, ýele tarap tutulyp pyrlandyrylýan çaga oýnawajy.

◊ **Ýelgamak ýaly** örän tiz hereket edýän, çalasyn. *Ojagaz oglanjyk edil ýelgamak ýaly bolup, göz açyp-ýumasy salymda getir diýen zadyňy getirýär, äkit diýen zadyňy äkidýär.*

**ÝELGIN** [ýelğin], *at.* **1.** Bir zadyň badyndan, zarbyndan döreýän ýel, şemal tolkuny. *Zymdyrylyp barýan uly maşynyň ýelginine ýolyň gyrasyndaky gyrymsy agaçlaryň başy ýranýardy.* **2.** Çiş, ýel. **3.** *göç.m.* Güýç, täsir, joşgun, meýil, hyjuw. *Ýetginjeklik ýyllarymyň ýelgini.* **4.** *göç.m.* Güýçli täsir, güýç. *Puluň ýelginine göterilmek.*

**ÝELGINLI** [ýelğinli], *syp.* Bady ýokary, hyjuwly, badyhowa.

**ÝELGINLILIK** [ýelğinlilik], *at.* Ýelgini barlyk, bady ýokarylyk, hyjuwlylyk, badyhowalyk.

**ÝELGUNÇ** [ýelğunç], *at, lukmanç.* Adamyň çep böwründe ýel emele gelip, ýürege aralaşyp gusdurýan, iç geçirýän kesel.

**ÝEL-GUZ** [ýel-ğuz], *at.* Ýel, şemal. *Howada ýel-guz, yssy-sowuk bolman, diňe azajyk salkynlyk syzylýardy* (B.Kerbabaýew).

**ÝELHARAZ,** *at.* Ýeliň güýji bilen işleýän degirmen, ýel degirmeni.

**ÝELI,** *at.* **1.** Köşekleri kökermek üçin iki gazygyň arasyna gerlen ýüp. **2.** *deňizç.* Iki ujy galtgaly, ortasyna birnäçe kiçi etlik düzülen balyk tutulýan enjam.

**ÝELIGIBERMEK** [ýeliğivermek], *işl.* Ýelikmäge başlamak, ýelikmegi dowam etdirmek.

**ÝELIGIŞ** [ýeliğiş], *iş ady.* Ýelikmek ýagdaýy. *Tutynyň ýeligişi ýeliň güýçlüdigini aňladýardy.*

**ÝELIGIŞMEK** [ýeliğişmek], *işl.* Ýel ýöräp çişmek, pökgermek. *Gabaklary ýeligişipdir..*

**ÝELIKME,***iş ady.* Ýelikmek ýagdaýy.

**ÝELIKMEK,***işl.* Birneme çişmek, ýellenmek, ýel ýöremek.

**ÝELIKDIRMEK,** *işl.* Ýel çaldyrmak, şemallatmak.

**ÝELIM,** *at.* Ýelmemek üçin ulanylýan suwuk madda. *Tulparyň endam-janyna ýelim çalyp, ýene meýdana kowmakçy bolupdyr* (B. Kerbabaýew).

**ÝELIMLEME,** *iş ady.* Ýelimlemek ýagdaýy.

**ÝELIMLEMEK,** *işl.* Ýelim çalyp tutdurmak, ýelim bilen ýapyşdyrmak. *Bukjany ýelimlemek.*

**ÝELIMLEMEKLIK,** *iş ady.* Ýelimlemek ýagdaýy.

**ÝELIMLEMEZLIK,** *iş ady.* Ýelimlemek işini amal etmezlik.

**ÝELIMLENMEK,***işl.* Ýelim bilen tutdurylmak, ýelim çalyp ýapyşdyrmak. *Dutaryň gapagy ýelimlendi.*

**ÝELIMLEŞDIRMEK,** *işl.* **1.** Köp ýerini ýelimläp çykmak. **2.** Bolşuna görä el ujundan ýelimlemek.

**ÝELIMLEŞMEK,** *işl.* **1**. Ýelimlemäge kömek bermek. **2**. Bilelikde ýelimlemek.

**ÝELIMLETDIRMEK,** *işl., ser.* **Ýelimletmek.**

**ÝELIMLETMEK,** *işl.* Ýelimlemek işini başga birine etdirmek.

**ÝELIMLEÝIŞ,** *iş ady.* Ýelimlemek ýagdaýy. *Ýelimleýşiň göwnejaý däl.*

**ÝELIM-ÝÜPEK: ýelim-ýüpek bolmak** biriniň ugrunda ölüp-öçüp barmak, daşynda perwana bolup aýlanmak, biriniň üstünde kökenek bolup, gaty gowy seretmek. *Çagalaryna ýelim-ýüpek bolup seretdi, olara ýetimdiklerini bildirtmedi, adam etdi.*

**ÝELIN,** *at,* Süýdemdiriji haýwanlaryň süýt işläp çykarýan emzikli agzasy. *Meýdanda bakylyp getirilen sygyrlar ýelinlerini dyňzadyp, ýataklaryna sowulýardylar* (N. Baýramow).

◊ **Ýelni gozgamak** ýelnine süýt inip başlamak (ýakynda guzlamaly sygyr, goýun, geçi we ş.m. hakynda). *Geçiniň ýelni gozgapdyr.*

**ÝELINLEK,** *syp.* Ýelni uly, uly ýelinli. *Ýelinlek sygyr.*

**ÝELINLEME,** *iş ady.* Ýelne süýt inip başlama.

**ÝELINLEMEK,** *işl.* Malyň ýelni gozgamak, ýelnine süýt inip başlamak. *Sygrymyz ýelinläpdir.*

**ÝELINLEMEKLIK,** *iş ady.* Ýelinlemek ýagdaýy.

**ÝELINLEÝIŞ,** *iş ady.* Ýelinlemek ýagdaýy.

**ÝELINLÄBERMEK** [ýelinlä:vermek], *işl.* Ýelinläp başlamak.

**ÝELINSE,** *at.* Sagylýan mallaryň emişmezligi üçin, ýelnine geýdirilýän haltajyk.

**ÝELINSELEME,** *iş ady.* Ýelinselemek ýagdaýy.

**ÝELINSELEMEK,** *işl.* Ýelinse geýdirmek. *Köşegi emmez ýaly düýäniň ýelnini ýelinselediler.*

**ÝELINSELEMEKLIK,** *iş ady.* Ýelinselemek ýagdaýy.

**ÝELINSELEMEZLIK,** *iş ady.* Ýelinse geýdirmezlik.

**ÝELINSELENMEK,** *işl.* Ýelinse geýdirilmek. *Geçiler ýelinselendi.*

**ÝELINSELEŞMEK,** *işl.* Ýelinselemäge kömek bermek.

**ÝELINSELETMEK,** *işl.* **1.** Ýelinselemek işini başga birine etdirmek. *Ol sygyrlary ýelinseletdi.* **2.** Ýelinselemäge mümkinçilik bermek.

**ÝELINSELEÝIŞ,** *iş ady.* Ýelinselemek ýagdaýy.

**ÝELINSELÄBERMEK** [ýelinselä:vermek], *işl.* Ýelinseläp başlamak, ýelinselemek işini dowam etdirmek.

**ÝELJIK,** *at.* Gazly suwlarda, sagylýan süýtde, ýaňy galdyran agaranda, ýaýylýan ýanlykda, deňiz tolkunlarynda we ş.m. emele gelýän köpürjik. *Ýanlykda gatyk ýaýylyp başlansoň, ozaly bilen ýagly ýeljik emele gelýär.*

**ÝELJIKME,** *iş ady.* Ýeljikmek ýagdaýy.

**ÝELJIKMEK,** *işl.* Ýeljik, köpürjik emele gelmek. *Pişegiň zarbasyndan ýanlyk ýarylara gelip, goýy gatyklar suwaşyp, aýrana aýlanyp, ýagy ýeljikläp, ýüzüne galmaga başlady* (H. Derýaýew).

**ÝELJIKMEKLIK,** *işl.* Ýeljikmek ýagdaýy.

**ÝELK: ýelk ýasamak** çalt gitmek, howlukmaç gitmek; ylgap gitmek. *Tilki hem olaryň birini tutup, öz sürenine baka ýelk ýasaýypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝELKEN I,** *at.* Diňe dabanyň aşagyny ýapýan, üç gulakly, aýagyňa daňar ýaly ýüpli tomus aýakgaby, çepek. *Aýagy ýelkenlidi, mytgaldan tikilen köýnek-balagy täzedi* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýelken gulak** uludan ýasy hem gaba gulak. *Japbagyň ýelken gulaklary gabardy* (B. Kerbabaýew).

**ÝELKEN II,** *at.* Bogaldaga aşagyndan hem ýokarsyndan berkidilýän we ýel düşüp, gaýygy, gämini herekete getirýän uly galyň mata. *Ýelkeni çekmek. Ýelkeni dartmak.*

◊ **Ýele – ýelken, güne – galkan (bolmak)** yssy, sowuk diýmän zähmet çekmek, işlemek. *Ejeleri bütin ömrüne ýele – ýelken, güne – galkan bolup, çagalaryny adam edipdi.*

**ÝELKENÇEKER,** *at, deňizç.* Ýelkeni ýokaryk galdyrýan we aşak goýberýän ýüp, sim.

**ÝELKENLI,** *syp.* Ýelkeniň kömegi bilen hereket edýän (*ser.* **Ýelken II**). *Derýanyň ýüzünde ýelkenli gämiler, ýelkensiz gaýyklar ýüzýär* (B. Kerbabaýew).

**ÝELKILDEME** [ýelkilleme], *iş ady.* Ýelkildemek ýagdaýy.

**ÝELKILDEMEK** [ýelkillemek], *işl.* **1**. Ýelk-ýelk edip ýöremek, az-kem galgap çalasyn ädimlemek. *Ýene gelýär ol ýelkildäp...* (M. Seýidow). **2**. Ýeliň täsiri bilen galgamak.

**ÝELKILDEMEKLIK** [ýelkillemeklik], *iş ady.* Ýelkildemek ýagdaýy.

**ÝELKILDEMEZLIK** [ýelkillemezlik], *iş ady.* Ýelkildäp ýöremezlik.

**ÝELKILDEŞMEK** [ýelkilleşmek], *işl.* **1**. Birnäçe bolup bilelikde ýelkildemek. *Ertir bilen nirä beýle ýelkildeşip barýarsyňyz?* **2**. Şemalyň täsiri bilen birnäçe ýeňilräk zatlar galgap durmak.

**ÝELKILDETMEK** [ýelkilletmek], *işl.* **1.** Ýelk-ýelk etdirip ýöretmek, galgabrak çalt ýöretmek. **2.** Galgatmak, galkajaklatmak. *Çagany ýelkildedip barýaň-la.* **3.** Ýelkildemegine sebäp bolmak, galgatmak. *Güýçli şemal öýüň serpigini ýelkildedýärdi.*

**ÝELKILDEÝIŞ** [ýelkilleýiş], *iş ady.* Ýelkildemek ýagdaýy.

**ÝELKILDÄBERMEK** [ýelkillä:vermek], *işl.* Ýelkildäp başlamak; ýelk-ýelk edibermek.

**ÝELKILDI** [ýelkilli], *at.* Ýelk-ýelk edip ýöreýiş.

**ÝELK-ÝELK: ýelk-ýelk etmek 1)** keýpli ýagdaýyňda aýagyň ýere degmän, bir ýerde durup bilmän towsaklaýan şekilde ýöremek. **2)** eýeriň üstünde atyň depginine görä galgap oturmak.

**ÝELLENDIRMEK** [ýellennirmek], *işl.* Ýel emele getirmek, ýel döretmek. *Sogan içimi ýellendirdi.*

**ÝELLENIBERMEK** [ýellenivermek], *işl.* Ýellenip başlamak.

**ÝELLENIŞ,** *iş ady.* Ýellenmek ýagdaýy.

**ÝELLENIŞMEK,** *işl.* Birneme ýellenmek. *Ol ýellenişen gabaklaryny owkalady.*

**ÝELLENME, 1.** *iş ady.* Ýellenmek ýagdaýy. **2.** Ýel we ş.m. täsiri esasynda dag jynslarynyň, gury ýer bölekleriniň ýumrulmagy, tozma, ýumrulma. *Ýeriň daşky güýçleri netijesinde dag jynslary ýellenmä sezewar bolýar.*

**ÝELLENMEK,** *işl.* **1.** Çişmek, pökgermek. *Ol ýellenen agyr gabaklaryny zordan açdy, kellesini haýallyk bilen göterdi* (N. Jumaýew). **2.** *göç.m.* Gaharyň gelip çişmek, ýel almak.

**ÝELLENMEKLIK,** *iş ady.* Ýellenmek ýagdaýy.

**ÝELLENMEZLIK,** *iş ady.* Ýellenmän durmak.

**ÝELLI, 1.***syp.* Köplenç, ýel ösýän, köp ýel bolýan (ýer, ýurt hakynda). *Ýelli gün. Ýelli howa.* **2.** *syp.* Çişen, ýellenip pökgeren. *Ýaňaklary çişik, gabaklary ýelli gözleri çylpykly ýaly görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **3.** *syp.* Ýel berlen, ýel berlip çişirilen. *Men bir ýelli topjagaz, Hemmä belli topjagaz* (K. Taňrygulyýew). **4.** *at.* Oglana dakylýan at.

**ÝELLIK,** *syp.* Örän ýelli.

**ÝELLI-YKLY** [ýell(i)-y:kly]: **ýelli-ykly gürrüň** kinaýaly, gyşyk gürrüň.

**ÝELMAÝA** [ýelma:ýa], *at.* Ertekilerde, rowaýatlarda, hekaýatlarda duş gelýän, göýä, ýörände aýagy ýere degmeýän maýa; ýyndam maýa. *Agaýunusam ýelmaýa kejebe gurap gelsin* ("Görogly").

**ÝELMEK,** *işl., kön.s.* Ylgamak, ýortmak, ýüwürmek. *Tükenmez derdiň yzyndan Ýeleýin diýseň, öýlengin* (Magtymguly). *Halal-haram diýmän, ýeldiň, ýüwürdiň* (Aşyky).

**ÝELMEME,** *iş ady.* Ýelmemek ýagdaýy.

**ÝELMEMEK,** *işl.* **1.** Ýelim çalyp ýelmeşdirmek, ýelim bilen ýapyşdyrmak. *Ol ullakan surat depderiň içine paýtagtymyzda we welaýat merkezlerinde gurlan owadan ymaratlaryň suratlaryny ýelmeýärdi.* **2.** *göç.m.* Bat bilen urmak, çalmak, suňşuryp goýbermek. *Sakçy elindäki taýagy bilen ekine giren sygryň ýagyrnysyna ýelmedi.* **3.** *göç.m.* Jaý ýerinde degerli söz aýtmak, manyly, täsirli söz aýtmak. *Ol ony gaýtargysyz goýmady, jaýdar-jaýdar sözler bilen ýelmäp goýberdi.* **4.** *göç.m.* Hile bilen bir zady birine satmak, dakmak. *Harydyny pullurak adama ýelmemek üçin gulagyny gabardyp ýördi* (N. Pomma). **5.** *gepl.d.* Içip goýbermek, urmak. *Ol soňky bulgury hem ýelmedi.*

**ÝELMEMEKLIK,** *iş ady.* Ýelmemek ýagdaýy.

**ÝELMENMEK,** *işl.* **1.** Ýelim bilen ýapyşdyrylyp goýulmak. *Ýelmenen bukjany emaý bilen açdy* (A. Gowşudow). **2.** Batly urulmak, çalynmak. *Ol ylgap barşyna agaja ýelmendi.* **3.** Jaýdar söz aýdylmak. *Ol özüniň söz bilen ýelmenendigini aňşyrmady.* **4.** Hile bilen satylmak. *Ol harydyny bir zat bilmeze ýelmedi.*

**ÝELMEŞDIRMEK,** *işl.* **1.** Ýelmäp çykmak, ýelim bilen ýapyşdyryp çykmak. *Bildirişleri ýelmeşdiren talyplar edebi agşama taýýarlyk görüp başladylar.* **2.** Ýapyşyp durar ýaly etmek.

**ÝELMEŞEGEN** [ýelmeşeğen], *syp.* Oňat ýelmeşýän, derrew ýelmeşýän, ýapyşagan.

**ÝELMEŞIK,** *syp., gepl.d.* Ýelmeşip duran, ýelmeşýän, ýelmeşegen häsiýeti bolan, şepbeşik. *Wepanyň eline bir hili ýelmeşik zat degdi* (A. Gowşudow).

**ÝELMEŞMEK I,** *işl.* **1.** Bir zada ýelmenip galmak, ýapyşmak, ýelim tutmak. *Ýüzüme, saçyma ýelmeşen külke agaç galyndylaryny kakyşdyrdym* ("Edebiýat we sungat"). *Aýaga ýelmeşen toýun palçyklar edil ýelim ýaly aýrylmaýardy.* **2.** *göç.m.* Biri ýa-da bir zat bilen ýakyndan ysnyşmak. *Çünki ýüregimem, aňymam şol dutara ýelmeşdi.* **3.** *göç.m.* Birine ýa-da bir zada daklyşmak, goşulyşmak. *Ol öz öňünden ilkinji çykan maşyna ýelmeşdi.*

**ÝELMEŞMEK II,** *işl.* **1**. Ýelmemäge kömek bermek. Birnäçe bolup ýelmemek. *Oglanlar bildirişleri ýelmeşip ýördüler.*

**ÝELMETDIRMEK,** *işl.* **1.** Ýelmemek işini biriniň üstüne ýükläp etdirmek. **2.** Başga birine özüňi urdurmak.

**ÝELMETMEK,** *işl.* Ýelim çalyp tutdurtmak, ýelimletmek. *Kitabyň ýyrtylan sahypalaryny ýelmetmek.*

**ÝELMEÝIŞ,** *iş ady.* Ýelmemek ýagdaýy.

**ÝELMÄBERMEK** [ýelmä:vermek], *işl.* Ýelmäp başlamak; ýelmemegi dowam etdirmek.

**ÝELMIK,** *at. ösüml.* Ýere ýaýrap, ýazgyn ösýän, inçe ýapraklyja iýilýän meýdan oty.

**ÝELPELMEK,** *işl.* Ýelpewaç ýa-da başga bir zat bilen ýelikdirilmek. *Yssylaýan bäbek ýelpeldi. Mergeniň sypjyrylan ýerine ýaşylja derman çalyndy, ötmez ýaly ýelpeldi.*

**ÝELPEME,** *iş ady.* Ýelpemek ýagdaýy.

**ÝELPEMEK,** *işl.* Ýelpewaç ýa-da başga bir zady galgadyp ýelikdirmek, ýel çaldyrmak. *Ol içki syryny töwerekdäkilere duýdurmazlyk niýeti bilen,*

*pyşdylýaka köýnegini ýelpedi* (B. Kerbabaýew). *Synladym men agşam Hazar kenaryn, Ýelpedi ýüzümi çygly şemaly* (M. Seýidow).

**ÝELPEMEKLIK,** *iş ady.* Ýelpemek ýagdaýy.

**ÝELPEMEZLIK,** *iş ady.* Ýelpäp durmazlyk.

**ÝELPENMEK,***işl.* Öz-özüňi ýelpemek. *Yssy alyp barýan ýaly ýelpendi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝELPESE,** *at.* Uzyn saply uly ýelpewaç.

**ÝELPESELEMEK,** *işl.* Ýelpewaç, ýaglyk we ş.m. bilen ýelpemek.

**ÝELPESELENMEK,** *işl.* Ýeliň we ş.m. täsiri bilen tertipsiz galgamak. *Allahym ýetirsin şol däli başa, Elinde ýaglygy ýelpeselendi* (Halk aýdymyndan).

**ÝELPESELEŞDIRMEK,** *işl.* Birnäçe zady ýelpeselemek.

**ÝELPESELEŞMEK,** *işl.* **1**. Ýelpeselemäge kömek bermek. **2**. Bilelikde ýelpeselemek.

**ÝELPESELETDIRMEK,** *işl., ser.* **Ýelpeseletmek**.

**ÝELPESELETMEK,** *işl.* Ýelpeselemek işini başga birine etdirmek; ýelpeselemek üçin mümkinçilik bermek.

**ÝELPEŞDIRMEK,** *işl.* Birnäçe zady ýelpäp çykmak.

**ÝELPEŞMEK,** *işl.* **1**. Ýelpemäge kömek bermek. **2**. Biri bilen bile ýelpemek. *Syrkawyň ýüzüni ýelpeşip otyrdylar.*

**ÝELPETDIRMEK,** *işl., ser.***Ýelpetmek**.

**ÝELPETMEK,** *işl.* Ýelpemek işini başga birine etdirmek.

**ÝELPEWAÇ** [ýelpewa:ç], *at.* **1.** Ýelpemek üçin eplenip-ýazylýan ýa-da ýarym aýlaw görnüşli enjam. *Ýüzüni ýelpedi ýüpek ýelpewaç, Säher ýeli degip, ülpüllendi saç* (Ý. Nasyrly). **2.** Çaganyň ýüzüne siňek gonmazlyk we ýel çalyp durar ýaly sallançagyň üstünde gerlen ýüpe atylýan ýaglyk, mata. **3.** Jaýlaryň howasyny täzelemek üçin tok bilen işleýän, aýlanýan enjam. *Agyp-dönüp sowuk şemal öwüsdürip duran ýelpewajyň gabat garşysyna geçdi-de, birsellem ýelejiredi.*

**ÝELPEÝIŞ,** *iş ady.* Ýelpemek ýagdaýy.

**ÝELPEZEK,** *at.* **1.** Balygyň guýruk ýüzgüji. **2.** Düýäniň burun boşlugy.

**ÝELPÄBERMEK** [ýelpä:vermek], *işl.* Ýelpäp başlamak; ýelpemegi dowam etdirmek.

**ÝELÝYRTAN,** *at.* Maňlaýa, kellä daňylýan gyzyl gülli ýuka nah ýaglyk.

**ÝEMEK,** *at, kön.s.* Nahar, iýmit.

◊ **Ýemek bolmak 1)** aş saýlamak. *Ol aýal ýemek bolýar.* **2)** öňkiniň üstüne goşant bolmak. *Onuň üstüne-de gelniniň ölmegi ýemek boldy* (B. Kerbabaýew). *Ýene onuň üstüne başga bir zat ýemek boldy duruberdi* (R. Gelenow).

**ÝEMEKLENMEK,** *işl.* Ýemek bolmak, üstüne goşulmak, urna bolmak. *Ýaňky görgüliniň körlügem-ä daş ýany bilen ýeterlikdi, garrylyk derdeserem üstüne ýemeklendi* ("Nesil").

**ÝEMIK,** *at.* Çaganyň kellesiniň üstündäki soň gataýan ýumşajyk ýeri.

◊ **Ýemigi (beýnisi) bekemedik** aga-gara düşünmeýän (çaga).

**ÝEMIRME,** *iş ady.* Ýemirmek ýagdaýy.

**ÝEMIRMEK,** *işl.* **1.** *gepl.d.* Bir zady ýemşertmek. *Mytaranyň gapdalyny ýemrip getiripdir.* **2.** Ýüzüni gätmek, erňegini ýykmak, gyrasyny döwmek. *Pyçagyň ýüzüni ýemirmek.*

**ÝEMIRMEKLIK,** *iş ady.* Ýemirmek ýagdaýy.

**ÝEMIRMEZLIK,** *iş ady.* Ýemrip zaýalamazlyk.

**ÝEMIRTDIRMEK,** *işl.* Ýemşertdirmek.

**ÝEMIRTMEK,** *işl.* **1**. Ýemirmek hereketini başga birine etdirmek. *Galaýy gutynyň agzyny çalarak içine ýemirdip, üstüne gapak ýapdyk.* **2.** Ýemirmäge mümkinçilik bermek.

**ÝEMPEMEK**, *işl.* Göwresiniň agramyny gysgarak aýagyna atyp ýöremek. *Ony başdanaýak gözden geçirdi we ýempäp ugrady. Ol indi çala ýempeýärdi.*

**ÝEMPILDEMEK** [ýempillemek], *işl.* Bir aýagy ýempik adam çalt-çaltdan ýempäp, ýemp-ýemp edip ýöremek.

**ÝEMPILDI** [ýempilli], *at.* Bir aýagy ýempik adam çalt ýöründe döreýän şekiliň ady.

**ÝEMP-ÝEMP**, *s.ş. aňl.söz.* Bir aýagy ýempik adam çalt ýöründe döreýän şekil. *Ýemp-ýemp etmek.*

**ÝEMPI**, *syp., ser.* **Ýempik.**

**ÝEMPIK,** *syp.* Ýöründe bir aýagyny ýempäp alýan, çalarak agsaýan, keýtik.

**ÝEMPIKLEMEK,** *işl.* Ýempeýän ýaly ýöremek, ýempemek, keýtiklemek. *Agaçlaryň arasy bilen ýempikläp, ýokarlygyna bakan ugrady* (G. Kulyýew).

**ÝEMRIK,** *syp.* Gyrasy, erňegi ýemrilen, ýykylan, gädilen. *Köne galanyň köçäň üstüne abanyp duran ýemrik burçunyň üstünde bir gara peýda boldy* (A. Gowşudow).

**ÝEMRILMEK,** *işl.* Içine ýykylmak, ýüzi gaýtmak. *Piliň agzy daşa degip ýemrilipdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝEMRIŞ,** *iş ady.* Ýemirmek ýagdaýy.

**ÝEMŞERILMEK,** *işl.* Içine ýemşermek, gyrasy içine gyşarmak.

**ÝEMŞERIŞMEK,** *işl.* Ýemşerip başlamak (köp zat hakynda).

**ÝEMŞERME,** *iş ady.* Ýemşermek ýagdaýy.

**ÝEMŞERMEK,** *işl.* Gyrasy iç tarapyna egilmek (demir ýaly gaty zatlar hakynda).

**ÝEMŞERMEKLIK,** *iş ady.* Ýemşermek ýagdaýy.

**ÝEMŞERMEZLIK,** *iş ady.*Ýemşermän durmak.

**ÝEMŞERTDIRMEK,** *işl.* Ýemşermegine ýol bermek. *Jamlarymyzyň ählisini ýemşertdiräýipsiň-le?*

**ÝEMŞERTMEK,** *işl.* Ýemşik etmek, iç tarapyna çökermek, içine epmek. *Maşynyň tigri bedräni ýemşertdi.*

**ÝEMŞIK,** *syp.* **1.** Maşşardylyp epilen, içine çöken, ýemrik. *Ýemşik bedre.* **2.** Maşşaryp duran, maşşyk, ýapbaşyk, ýasy. *Burny ýemşik.*

**ÝENÇDIRMEK** [ýenişdirmek], *işl.* Ýençmek işini başga birine etdirmek.

**ÝENÇGILEMEK** [ýeniçğilemek], *işl.* **1.** Usullyk bilen yzygiderli çekiçlemek, çekiçläp sozmak. *Ol çym gyzyl bolup duran uzyn demri körükden çykaryp, ony ýekedaban bilen ýençgiläp durdy* (B. Pürliýew). **2.** *göç.m.* Köp gaýtalamak, gaýtalap durmak. *Gep ýençgilemek.*

**ÝENÇGILENMEK** [ýeniçğilenmek], *işl.* Usullyk bilen, ýuwaş-ýuwaşdan çekiç bilen urulmak.

**ÝENÇGILEŞDIRMEK** [ýeniçğileşdirmek], *işl.* Birnäçe zady ýençgiläp çykmak, çekiçläp, sozuşdyryp çykmak.

**ÝENÇGILEŞMEK** [ýeniçğileşmek], *işl.* **1.** Ýençgilemäge kömek bermek. **2.** Birnäçe bolup ýençgilemek.

**ÝENÇGILETMEK** [ýeniçğiletmek], *işl.***1.** Ýençgilemek işini başga birine etdirmek. *Şu demri ussa ýençgiledip gelsene.*

**ÝENÇME** [ýeniçme], *iş ady.* Ýençmek ýagdaýy.

**ÝENÇMEK** [ýeniçmek], *işl.* **1.** Yzygiderli urmak; birnäçe wagtlap urmak. **2.** Çekiçläp sozmak, çekiçlemek. *Tejribeçiler demir kesmegi, gyzdyrmagy, sandalda ýençmegi öwrendiler.*

**ÝENÇMEKLIK** [ýeniçmeklik], *iş ady.* Ýençmek ýagdaýy.

**ÝENÇMEZLIK** [ýeniçmezlik], *iş ady.* Ýençmek işini etmezlik.

**ÝENE**, *hal.* **1.** Ýamaşgan, täzeden, gaýtadan. *Bahar ýüregine düwen bir zadyny ýene soramakçy boldy* (A.Gowşudow). **2.** Ikinji gezek, ikinji ýola, ýene-de. *Şu ýylyň bahary daýhanlaryň gaýratyny ýene bir gezek synlap gördi* ("Türkmenistan"). **3.** Bolsa-da, diýseňem, gaýta. *Ýaltarak diýäýmeseň, ýene şonuň iş başarjaňlygy ýaman däl.*

◊ **Ýenäň ýenesi bar** her bir zadyň gaýtargysy bardyr, her bir zadyň başgaçarak soňy-da bardyr. *Ýersiz ýere oňa igäňi sürtüp durma, ýenäň ýenesi bardyr.*

**ÝENEKI,** *syp.* Geljekki, indiki, soňraky. *Ýeneki aýlara, Ýeneki günlere özi ýetirsin!* (Alkyş). *Galanyny bolsa ýeneki ýyllarda hasaplaşarys gideris* (B. Kebabaýew).

**ÝENE-ÝENELER,** *at.* Birentekler, birnäçeler, şuňa meňzeş adamlar. *Ýene-ýeneler näme diýerlerkä diýip ýaýdanyp durma-da, işiň bilen boluber.*

**ÝENJIBERMEK** [ýenjivermek|, *işl.* Ýenjip başlamak, birini urmaga başlamak; ýençmegi dowam etmek.

**ÝENJIK,** *syp.* Urlup ýemşerdilen, ýemşik-ýemşik bolan, ýenjilen. *Tüňçäniň ýenjik ýerini ussa düzetdi.*

**ÝENJILMEK,** *işl.***1.** Yzygiderli urulmak, birnäçe wagtyň dowamynda urulmak. *"Gelniniň yzyndan giýewçilemäge baran ýigitler gaýyn obasynyň oglanlary tarapyndan ýenjilerdi" diýip, garry atam gürrüň bererdi.* **2.** Çekiçläp sozulmak, çekiçlenmek. *Ýenjilýän demriň sesi at gaýtarym ýerden eşidilýärdi.* **3**. *göç.m.* Köp gezek maslahatlaşylyp, nähili bolmalydygy çözülen (iş, mesele we ş.m. hakynda). *Bu mesele öň hem köp gezek ýenjilipdi.*

**ÝENJIŞDIRMEK,** *işl.* **1.** Birnäçesini ýenjip çykmak. **2.** Çekiç bilen uruşdyryp, sozuşdyryp çykmak.

**ÝENJIŞMEK,** *işl.*1. Ýençmäge kömek etmek. **2.** Bile ýençmek. *Ussanyň kömekçileri dym gyzyl bolan demirleri ýenjişip durdy.*

**ÝEŇ**, *at.* Ýeňli eşikleriň uzaboýuna el sokulýan bölegi. *Ýigitler bilini berk guşap, ýeňlerini tirsegine çenli çermäpdir.*

◊ **Ýeň astyndan** ogryn, gizlin. *Ýeň astyndan töweregine ser saldy, Kenara ýetmäge ara az galdy* (A. Kekilow). **Ýeň bermezlik** öz aýdanyňa boýun etdirmek üçin, öz gepiňi gögertmek üçin ýol bermezlik, iliň diýenini unamazlyk. **Ýeň çermeşmek** biri bilen gaharlanyşmak, herrelişmek, urşaýjak bolmak, biri-birine dyzaşmak. *Bular şol dazarylyşyp barmaşa hatda ýeňlerini çermeşdiler* (A. Gowşudow). **Ýeňiňi dişlemek** haýran galmak, geň görmek; uýalmak. *Meňli hanym ýeňin dişläp, Bizden ki uýat eýleýir* (Magtymguly).

**ÝEŇARA** [ýeňa:ra], *at, zergärç.* Ýaş gelinleriň kürtesiniň iki ýeňini birikdirýän dörtburç şekilli kümüş şaý.

**ÝEŇDIRMEK,** *işl.* Özüni ýeňlişe sezewar etdirmek; ýeňilmegine mümkinçilik bermek. *Şol gopbam pyýada-da özüňi ýeňdiräýdiňmi?*

**ÝEŇEGEN** [ýeňeğen], *syp.* Hemişe ýeňýän, köplenç, ýeňiji bolagan. *Ol küştde ýeňegendir.*

**ÝEŇEŇKIRLEMEK,** *işl.* Ýeňmäge az galmak, ýeňäýjek-ýeňäýjek bolup durmak.

**ÝEŇIBERMEK** [ýeňivermek], *işl.* **1.** Ýeňmäge az galmak, ýeňip barmak. *Küştçi garşydaşyny ýeňiberende, garaşylmadyk göçüm ony haýran galdyrdy.* **2.** Ýeňmegini dowam etdirmek.

**ÝEŇIJI,** *at.* Üstün çykyjy, ýeňiş gazanyjy. *Ýaryşyň ýeňijileri tomaşaçylaryň öňünden geçdi.*

**ÝEŇIJILIK,** *at.* Üstün çykyjylyk, ýeňiş gazanyjylyk.

**ÝEŇIL,** *syp.* **1.** Agyr däl, az agramly, agyr bolmadyk. *Guran gamak ýeňil bolýar.* **2.** Köp zähmet talap etmeýän, kyn bolmadyk, aňsat. *Çarkandak ýerden ýöremek onuň üçin ýeňil düşmedi.* **3.** *göç.m.* Agras däl, salyhatsyz. *Ol özüni ýeňil görkezmejek bolup, pikirlenip sözleýärdi.* **4.***göç.m.* Siňmesi aňsat, siňňitli, az hümmetli (nahar hakynda). *Ýeňil nahar.* **5.***göç.m.* Galyň däl, ýuka. *Ýeňil geýinmek. Eşigiň gaty ýeňil-le*! **6**. Özüni alyp barşy agras däl, ýeňles.

◊ **Ýeňil geýinmek** howa ýagdaýyna garap, ýuka eşik geýmek, çyplak geýinmek. *Howa maýyl bolansoň, ýeňil geýindim* (K. Taňrygulyýew). **Ýeňil gopmak** eden işiňi oňaryp etmek, kynçylyk çekmän işlemek.

**ÝEŇILJEK,** *syp.* Agramy gaty ýeňil; ýerine ýetirmesi kyn bolmadyk. *Seniň-ä ýüküň ýeňiljek ekeni. Ýeňiljek işim bar. Ýeňiljek çözülýän mesele.*

**ÝEŇILKELLE,** *syp.* Akyly az, akylsyz, kemakyl.

**ÝEŇILKELLELIK,** *at.* Akyly azlyk, ýeňilkellä has bolan gylyk-häsiýetlilik, kemakyllyk.

◊ **Ýeňilkellelik etmek** akyly azlyk etmek, kemakyllyk, akylsyzlyk etmek, bir işi çig etmek.

**ÝEŇILLEŞDIRIBERMEK** [ýeňilleşdirivermek], *işl.* Ýeňilleşdirip başlamak.

**ÝEŇILLEŞDIRILMEK,***işl.* Aňsatlaşdyrylmak, sadalaşdyrylmak, ýönekeýleşdirilmek.

**ÝEŇILLEŞDIRIŞ,** *iş ady.* Ýeňilleşdirmek ýagdaýy. *Meseläni ýeňilleşdirişiňi haladym.*

**ÝEŇILLEŞDIRIŞMEK,** *işl.* Ýeňilleşdirmäge kömek bermek.

**ÝEŇILLEŞDIRMEK,** *işl.* Aňsatlaşdyrmak, sadalaşdyrmak, ýönekeýleşdirmek. *Zähmeti ýeňilleşdirmek.*

**ÝEŇILLEŞMEK,** *işl.* **1.** Aňsatlaşmak, sadalaşmak, ýönekeýleşmek. *Indi ejemiň işi birneme ýeňilleşdi.* **2.** Birneme azalyşmak, biraz ýeňlemek. *Iki bolsak, köp zada çydarys, derdimiz ýeňilleşer.* **3.***göç.m.* Gowulaşmak, oňatlaşmak. *Syrkawyň ýagdaýy ýeňilleşdi.*

**ÝEŇILLIK,** *at.***1.** Agyr dällik, agramy azlyk. *Reňkli metallar pugtalygy, ýeňilligi bilen tapawutlanýar.* **2.** Berilýän kömek, ýardam. *Bize berilýän ýeňilligiň hetdi-hasaby ýok.* **3.** Aňsatlyk; çalasynlyk, çaltlyk. *Juma çommalyp oturyşyna Magtymgulynyň çekiji nähili ýeňillik bilen göterip-goýşuna çaga höwesi bilen nazaryny sowman tomaşa edýärdi* (G. Kulyýew). **4.** *göç.m.* Agras dällik, salyhatsyzlyk. *Bu zatlar onuň ýeňilligi zerarly ýüze çykýar.* **5.** *göç.m.* Asudalyk, arkaýynlyk. *Ol kalbynda ýeňillik duýdy.*

◊ **Ýeňillik etmek** bolgusyzlyk etmek, ugursyz bir iş etmek, ýeňilkellelik etmek.

**ÝEŇILLIKLI,** *syp.* Umumy kadalardan çykyp, birine ýeňillik berlen, ýeňil şert döredilen, ýeňilleşdirilen. *Ýeňillikli şertlerde işlemek ýaş çaga idedýän aýal maşgalalara zerur.*

**ÝEŇILMEK,** *işl.* Uruşda, söweşde, işde, ýaryşda asgyn gelmek, basylmak.

**ÝEŇILMEZEK,** *syp.* Ýeňilmeýän, diňe ýeňýän. *Ýeňilmezek pälwan.*

**ÝEŇILRÄK** [ýeňilirä:k], *syp.* Öňkä görä, beýlekä görä ýeňil.

**ÝEŇIL-ÝELPAÝ** [ýeňil-ýelpa:ý], *syp.* **1.** Agyr bolmadyk. *Size ýeňil-ýelpaý iş buýurýarys ahyry, şonam başarmajak bolsaňyz aýdyň.* **2.** Ýüzleý, düýpli däl, ýeňil. *Ynanylan işi ýeňil-ýelpaý ýerine ýetirmek bolmaz.* **3.** Ýuka, galyň däl. *Şol gün bar adam diýen ýaly gyş eşigini aýryp, ýeňil-ýelpaý geýindi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝEŇIŞ I,** *iş ady.* Ýeňmek ýagdaýy.

**ÝEŇIŞ II,** *at.* 1. Uruşda, söweşde gazanylan üstünlik. 2. Işde, durmuşda gazanylýan üstünlik. **3.** Oglana dakylýan at.

◊ **Ýeňiş düşüm** *dil b. kimi?, nämäni?, niräni?* diýen soraglara jogap bolup hem-de geçirýän işliklere baglanyp, *-y, -i; -ny,-ni* düşüm gosulmasyny kabul edip gelýän sözleriň şekili.

**ÝEŇIŞDIRMEK,** *işl.* Bir ýan ujundan ýeňip çykmak.

**ÝEŇIŞLI,** *syp.* Ýeňiş bilen gutaran, ýeňiş gazanylan, üstünlikli. *Ýeňişli günleriň dabarasy.*

**ÝEŇIŞMEK,** *işl.* Ýeňmäge kömek bermek. *Ol söweşde bize duşmany ýeňşen bolmady, özümiz ýeňdik.*

**ÝEŇIÝOLUK,** *at, gepl.d.* Ýetde-gütde güzeran görýän, garyp-pukara, ýoksul, garyp-gasar.

**ÝEŇLAÝAK,** *hal. gepl.d.* Tiz gopýan, çalasyn. *Ýeňlaýak oglan.*

**ÝEŇLEME I,** *iş ady.* Ýeňlemek ýagdaýy. *Onuň ökjesiniň ýeňlemesiniň sebäbi belli boldy.*

**ÝEŇLEME II,** *iş ady.* Ýeň oturtma.

**ÝEŇLEMEK I,** *işl.* **1.** Agramy kemelmek, agramy azalmak. *Yzygiderli maşk edelim bäri, üç kilo ýeňläpdirin.* **2.** Aňsatlaşmak, ýeňilleşmek. *Maşyn köpeleli bäri ...işlerem ýeňledi* (B. Japarow). **3.** Gowulaşmak, oňatlaşmak. *Ýagdaýlarymyz ýeňledi.* **4.** Azalmak, gutaryp barmak. *Gyrkym nädýä, ýeňleýärmi?* (B. Kerbabaýew). **5.** *göç.m.* Akyly çaşmak, üýtgemek. *Soňky wagtlarda onuň gürrüňi birhili ýeňlän adamyň gürrüňine meňzäp başlady.***6.** *göç.m.* Ynjalmak, köşeşmek, rahatlanmak, ýüregiň düşüşmek. *Ol Myrady görüp gaýdanda ýeňlän ýaly, ruhy göterilen ýaly bolup gaýdardy* (B. Seýtäkow). **7.** *göç.m.* Çalt gopmak, çalasyn hereket etmek; ruhuň göterilmek, dogumlanmak, ruhlanmak. *Onuň güýji artan ýaly, bedeni ýeňlän ýaly boldy.*

**ÝEŇLEMEK II,** *işl.* Penjege, köýnege we ş.m. ýeň oturtmak.

**ÝEŇLEMEKLIK,** *iş ady.* Ýeňlemek ýagdaýy.

**ÝEŇLENIBERMEK** [ýeňlenivermek], *işl.* Ýeňlenmäge başlamak. *Ogluny parahat diňläp oturan ýaşuly gürrüň gutararyna mähetdel donuny ýeňleniberdi.*

**ÝEŇLENIŞ**, *iş ady.* Ýeňlenmek ýagdaýy.

**ÝEŇLENME**, *iş ady.* Ýeňlenmek ýagdaýy.

**ÝEŇLENMEK**, *işl.* Eşigiň ýeňine goluňy sokup geýmek.

**ÝEŇLENMEKLIK**, *iş ady.* Ýeňlenmek ýagdaýy (**Ýeňlenmek II** işligi boýunça).

**ÝEŇLES**, *syp.* **1.** Agramy birneme ýeňil, ýeňil gelýän. *Ýeňles çekim.* **2.** *göç.m.* Ýeňilkellelik edýän, salykatsyz, agramly däl.

**ÝEŇLESLIK,** *at.* Ýeňilkellelik, agras dällik, salyhatsyzlyk. *Indi ol ýeňlesligini goýdy.*

**ÝEŇLESRÄK** [ýeňlesirä:k], *syp.* Birneme ýeňles, az-kem ýeňles. *Ilki tanyş bolanymyzda, ol maňa ýelňesräk ýaly göründi* (H. Garabaýew).

**ÝEŇLEŞMEK,** *işl.* **1.** Agramy kem-kemden azalmak. *Kakaşan etiň agramy birneme ýeňleşipdir.* **2.** *göç.m.* Aňsatlaşmak, ýeňilleşmek. *Indi gözüň-ýüzüňi dolduryp tozaýan kirşen-de ýatyp, dem almak birneme ýeňleşipdi* (B. Gurbanow). **3.** *göç.m.* Gowulaşmak, oňatlaşmak. *Gün-güzeranyň ýenleşmek.*

**ÝEŇLETDIRMEK,** *işl., ser.* **Ýeňletmek**.

**ÝEŇLETMEK,** *işl.* **1.** Agramyny kemeltmek, agramyny azaltmak. *Jemagat, ýüküňizi ýeňlediň, horjundan özge goş-golamyňyzy taşlaň!* (G. Kulyýew). **2.** Aňsatlaşdyrmak, ýeňilleşdirmek. *Saňa*

*şerti biraz ýeňledeli.* **3.** *göç.m.* Ruhlandyrmak, dogumlandyrmak. **4.** *göç.m.* Gowulandyrmak, oňatlandyrmak. *Em nähoşuň ýagdaýyny biraz ýeňletdi.* **5.** *göç.m.* Azaltmak, gowşatmak, peseltmek. *Günäsini ýeňletmek.*

**ÝEŇLEÝIŞ,** *iş ady.* Ýeňlemek ýagdaýy.

**ÝEŇLIK,** *at.***1.** Çörek bişirilende, tamdyryň howrundan, gyzgynyndan goranmak üçin gola geýilýän ýeň şekilli galyň golluk. *Dessegül tamdyryň başynda otyr, Golunda ýeňligi, bişirýär petir* (M. Seýidow). **2.***syp.* Geýimiň ýeňi üçin biçilen ýa-da niýetlenen (mata). *Ýeňlik mata.*

**ÝEŇME,** *iş ady.* Ýeňmek ýagdaýy.

**ÝEŇMEK,***işl.***1.** Uruşda, söweşde üstün çykmak, basmak. *Olaryň sähelçe işi uruşda ýeňmegimize uly goşant bolar* (B. Seýtäkow). **2.** Bir zat ugrundaky göreşde, işde üstünlik gazanmak. **3.** Ýaryşda, göreşde, oýunda garşydaşyňdan üstün çykmak. *Ýaryşda meýdança eýeleri ýeňdiler.*

**ÝEŇMEKLIK,** *iş ady.* Ýeňmek ýagdaýy.

**ÝEŇMEZLIK,** *işl.* Ýeňip bilmezlik. *Pälwan öz ýanyndan garşydaşyny ýeňmezlik mümkin däl hasap etdi.*

**ÝEŇŇE,** *at.* **1.** Özüňden uly doganyň aýalyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz, gelneje. *Ýapynjasyz ýaş ýigit, Buýup dur-la, ýeňňe jan* (Halk döredijiliginden). *Ýeňňesi bolsa bulara nahar äberip, hemişekisi ýaly çagalary bilen öz otagyna girdi* (A. Gowşudow). **2.** Özüňden ýaşy uly aýala ýüzlenilip aýdylýan söz. *Ýeňňe, alma näçeden?* **3.** Öýlenýän ýigidiň, çykýan gyzyň gelnejesiniň toýdaky wezipesini aňladýan söz. *Gyzyň ýeňňeleri bilen ýigidiň ýeňňeleri aýdyşyk aýdyşdylar.*

**ÝEŇSAPY,** *at.* Aýal donunyň, çabydynyň, köýneginiň ýeňiniň ujuna urulýan üýtgeşik mata. *Hyşy-wyşyň özi hakda, Gidýänini duýan gelin, Keşdelenen ýeňsapyly, Gyzyl mahmal geýen gelin* (K. Gurbannepesow).

**ÝEŇSAPYLYK,** *syp.* Ýeňsapy üçin niýetlenen. *Ýeňsapylyk mata.*

**ÝEŇSE,** *at.* **1.** Kelläniň yz, arka tarapy.*Utulan ýeňsesini gaşar* (Nakyl). **2.** Bir zadyň arka, art tarapy. *Aýlaryň şatlygyna bilbil heň etdi, Şol wagt ýeňseden bir göwre ýetdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýeňse (ýeňsäni) bermek** yza çekilmek, tesmek, gaçmak. **Ýeňse damaryň gatamak** gaharyň gelmek, erbet görmek. **Ýeňse damaryňdan tutulmak** *ser.* **Ýeňse damaryň gatamak**. **Ýeňsesi ýapylmak** durmuşa çykarylmak. **Ýeňsäňden tutulmak** *ser.* **Ýeňse damaryň gatamak. Ýeňsäňi gaşamak** 1) pikirlenmek, oýlanmak. *Ol ýeňsesini gaşap, ýarymgöwün halda howla girdi.***2)** müýnli bolmak. *Ol egnini gysyp, ýeňsesini gaşamaga durdy.* **Ýeňsäňi görkezmek** gitmek, gaçmak. *Nurjahan ýaly gudaçylyga geläýse-de, tizräk ýeňsäňi görkez diýjek* (B. Kerbabaýew). **Ýeňsäňi el ýaly etmek** *ser.* **Ýeňsäňi görkezmek**. *Işleýşiňiz şu bolsa, ussa agalar, ýeňsäňizi el ýaly ediberiň!* (B. Gulow). **Ýeňsäňi tüňňertmek** närazylyk bildirmek, öýkelemek. *Ol ýeňsesini tüňňertdi, öýkeledi...* (B. Kerbabaýew).

**ÝEŇSEKI,** *syp.* Ýeňse tarapdaky, yz tarapdaky, art tarapdaky. *Ýeňseki uly ýoldan hatar bolup gelýän kerwen obanyň içine ala-zenzele salyp gelýärdi* (B. Gulow).

**ÝEŇSELIK,** *at.* **1.** Gelin-gyzlaryň ýeňsesine dakylýan şelpeli, gyzyl çaýylan kümüş şaýy. *Gyzyň ýeňseligi örän owadandy.* **2.** Kellekiniň malyň gulaklarynyň syrtyndan aýlanyp geçýän gaýşy. *Uýanyň ýeňseligi üzülipdir.*

**ÝEŇSIKÇI,** *at.* Agzyny dolduryp öwnüp, diýen sözüniň yzynda durup bilmeýän, sözüniň eýesi däl adam. *Ýeňsikçiňki ýeke gün, ýetip barsa, ýedi gün* (Nakyl).

**ÝEŇSIZ,** *at.*Ýeňsiz, etegi guşaklyga ýetip duran daşky eşik, golsuz, golsuzja.

**ÝEPBEKLEMEK,** *işl.* **1.** El bilen yzygiderli ýuwaşjadan tapbatlamak, tapbyldatmak. *Ejesi çagany ýepbekläp uklatdy.* **2.** Bir zadyň üstüni, ýüzüni urup tekizlemek, düzlemek. *Palçygy ýepbeklemek.* **3.** Tokga zady ýasy hala getirmek. *Palçyk ýepbeklemek.* **4.** *göç.m.* Birini urmak, ýençmek. **5.** *göç.m.* Tankyt etmek, berk tankytlamak, söz bilen urmak.

**ÝEPBEKLENMEK,** *işl.* **1.** El bilen ýuwaşjadan yzygiderli tapbyldadylmak. *Ýepbeklenen çaga derrew uka gitdi.* **2.** *göç.m.* Tankyt edilmek.

**ÝEPBEKLEŞDIRMEK,** *işl.* Bir ýan ujundan yzly-yzyna ýepbekläp çykmak.

**ÝEPBEKLEŞMEK,** *işl.* Ýepbeklemäge kömek bermek. *Jahan tamdyryň ýanynda oturyp, palçyk ýepbekleşýärdi.*

**ÝEPBEKLETDIRMEK,** *işl., ser.* **Ýepbekletmek**.

**ÝEPBEKLETMEK,** *işl.* Ýepbeklemek işini başga birine etdirmek. *Çagany ýepbekledip uklatmak. Oturyljak ýeriň gumuny tekizledip ýepbekletmek.*

**ÝEPBERILMEK,** *işl.* Ýepberip oturmak, kibtiňi gysyp, ýygrylyp oturmak. *Bar, Gurban, ýepberilip oturma-da, seret, gelýärmi?* (A. Durdyýew).

**ÝEPBERIŞMEK,** *işl.* Ýerli-ýerden ýepbermek. *Beýle ýepberişip otyrsyňyz! Turuň-da, işli-işiňize ugraň!.*

**ÝEPBERMEK,** *işl.* Büküdip oturmak, büküdip ýatmak. *Tur, ýepberip ýatma, ýatan öküze iým ýokdur.*

**ÝEPBEŞDIRMEK,** *işl.* Urup, basyp maşşartmak, ýapbaşdyrmak, ýemşertmek.

**ÝEPBEŞIK,** *syp.* Urlup ýa-da bir zada degip, basylyp epilen, ýemşik. *Ekinçi ýepbeşik galaýy gutulary bir sime düzüp, şakyrdyk ýasady.*

**ÝEPBEŞMEK,** *işl.***1.** Urlup, gysylyp, basylyp ýa-da bir zada degip maşşarmak, epilmek, ýapbaşmak. *Begenç ýerinden galanda, pagtaly ganaryň, hakykatdan-da, ýepbeşip gidenini gördi* (B. Kerbabaýew). **2.** *ser.* **Ýepberilmek.**

**ÝEPELEK,** *at.* Däneliler maşgalasyna degişli bolup, boýy 20-30 *sm.* ýetýän ot (ol bogun-bogun baldakly, insizje uzyn ýaprakly, gül toplumy sübse

görnüşli, başjagazlary köp däneli, ujy gylçykly ösümlikdir).

**ÝEPILMEK,** *işl.* Urlup, gysylyp, basylyp ýemşermek. *Kündügiň bir böwri içine ýepilipdir.*

**ÝEPME,** *iş ady.* Ýepmek ýagdaýy.

**ÝEPMEK,** *işl., gepl.d.* Urup, gysyp, basyp ýa-da bir zada degrip ýemşertmek.

**ÝEPMEKLIK,** *iş ady.* Ýepmek ýagdaýy.

**ÝEP-ÝEŇIL,** *syp.* Örän ýeňil, gaty ýeňil.

**ÝEP-ÝEŇLES,** *syp.* Örän ýeňles, gaty ýeňles. *Be, ol ýep-ýeňles eken-aý!*

**ÝER,** *at.* **1**. Öz okunyň we Günüň daşynda aýlanýan älem jisimi. **2.** Suwly giňişliklerden galan uly giňişlik. **3**. Topragyň üstki gatlagy. *Atlar aýaklary bilen ýer peşediler* (B. Kerbabaýew). **4**. Ýurt, ülke, döwlet, mekan. **5**. Biriniň garamagynda, ygtyýarynda peýdalanylýan mellek. *Men öz ýerimden ýylda üç hasyl alýaryn.* **6**. Tomaşa jaýlarynda, otluda we ş.m. oturar ýaly orun. *Oturanlar ykjamlanyşyp, oňa ýer berdiler* (B. Seýtäkow). **7**. Bir zady goýmak, ýerleşdirmek üçin jaý. *Özleriniň ulaglaryna ýoldan sowulmaga ýer gözleýärler* (A.Gowşudow). **8**. Ýatmak üçin ýorgan-düşek ýazylan orun. *Gelsem, ejem telärde ýer salypdyr* ("Edebiýat we sungat"). **9**. Gulluk wezipesi, kär, orun. *Ol gowy ýerde işleýärdi.* **10**. *göç.m.* Wagt, pursat, mahal. *Han küýli janyny emgemeli ýerinde tapylmaýardy* (A. Durdyýew). **11**. *göç.m.* Bir zadyň galdyran, ýetiren şikesiniň yzy. *Elimiň ýanan ýeri agaryp dur.***12**. *göç.m.* Ýaryşlarda gazanylýan, eýelenýän orun. *Ýaryşda biziň oýunçylarymyz birinji ýeri eýeledi.* **13**. *göç.m.* Nesil, maşgala. *Ol gyz gowy ýeriň maşgalasy eken.* **14**. Ýaşaýyş-durmuş, hojalyk aýratynlyklary bilen tapawutlanýan ilatly nokatlar. *Oba ýeri. Şäher ýeri.*

◊ **Ýer açmak** ekilmän ýatan ýeri tekizläp, düzläp, ekmäge ýaramly etmek. *Ýer açmagam, öňki ýerleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmagam bolar.* **Ýer – ala, ýurt – ala** her bir ýeriň öz aýratynlygy bolýar. **Ýer almak** makul görülmek, aýdan-diýeniň ýer tutmak, sana geçmek, makul bilinmek. **Ýer asty bilen** gizlin, ýaşyryn, ogryn. **Ýerden alyp, ýere salmak (sokmak)** örän erbet käýemek, berk utandyrmak, ýazgarmak. **Ýer bagyrtlap aglamak** bagryny ýere berip, gussa çekip aglamak. *Ýalňyz oglunyň uruşda öldi habary gelen ene ýer bagyrtlap aglady.* **Ýer bilen ýegsan etmek** ýok etmek, bolmadyk ýaly etmek, düp-düz, tep-tekiz etmek. **Ýer çalmak** 1) sesýetim öňden gidip, göçüň gitmeli ugruny kesgitläp gitmek. 2) öňünden ýurt tutuljak ýeri bellemek. **Ýere bakmak 1)** sustuň basylmak, utanmak, çekinmek. *Ol ýigit gireninden Gülälek utanjaň ýaşlyk joşgunynyň zarbyndan çym gyzyl bolup, barmagyny dişläp, ýere bakyp durdy* (H. Ysmaýylow). **2)** gaýgy-gama batmak, gaýgylanmak, oý-pikire çümmek, oýlanmak. **Ýer depip oturmak** aýdylana, diýlene gulak asmazlyk, öz diýeniňi etmeklik, razylaşmazlyk. *Näme bolsam, şu ýerde boljak diýip, ýer depip otyr* (B. Seýtäkow). **Ýer diňlemek** ýatmak, uklamak. **Ýer dyrmamak (dörjelemek)** belli bir netijä gelip bilmän, pikirlenip oturmak, çykgynsyz ýagdaýa düşmek. *Ýüzüni aşak salyp, ýer dyrmansoň, ýuwaşja seslendi* (B. Kerbabaýew). *Oragy bilen ýeri dyrmamaga oturdy* ("Edebiýat we sungat"). **Ýere girmek 1)** ýitirim bolmak, gizlenmek. *Ol indi ýere girseň, gulagyňdan çekip çykarar, asmana uçsaň, aýagyňdan çekip düşürer* (B. Seýtäkow). **2)** gaty utanmak, uýalmak. *Utanjymdan ýaňa ýere girdim.* **Ýere-göge sygmazlyk** zady, baýlygy gaty köp bolmak. *Onuň zady ýere-göge syganok.* **Ýere gurt düşen ýaly** çendenaşa köp, örän köp, mygyldy, örän köp adamly. *Iki-ýana gatnaşýan adamlar ýere gurt düşen ýaly bolup görünýärdi* (A. Durdyýew). **Ýere siňip barmak** keselçilik ýa-da ruhy dartgynlylyk zerarly gaty horlanyp, ysgyn-deramaty gitmek. *Özüme näme bolýanyny-ha bilemok weli, ýöne ýere siňip barýan, ýerden galasym gelenok.* **Ýere sokmak 1)** ýok etmek, öldürmek. **2)** gaty käýemek, näletlemek, ýazgarmak. **Ýer etmek** ýerine barmak. *Gapy gaty jebis ýapylanok diýip alada etme, basym ýer eder.* **Ýere ýazylmak** bat bilen ýykylmak. *Ol ylgap gelşine aýagy bir zada büdräp, ýere ýazylyp gitdi.* **Ýer garbamak** ýere ýüzin ýykylmak, ýere serilmek. **Ýer gaty-da, gök yrak** hiç zatdan dalda bolmazlyk, öz günüňi özüň görmeklik. **Ýer hopmak** ýer ýuwutmak, ýitirim bolmak, ýok bolup gitmek. **Ýeri gelmek** aýny pursaty bolmak, amatly wagty gelmek, mümkinçilik döremek, çemesine düşmek. **Ýerinden gelme** "bolşy boluş däl, bolşuny diýip-aýdar ýaly däl" manysyndaky anlatma. *Olam-a tüýs ýerinden gelme eken-ow, aga gara, gara ak diýip bilýän şeýle adama heniz duş gelmändim.* **Ýerine düşmek** jaýyna düşmek, garaşylandan-da gowy bolmak. *Şol söz ýerine düşen eken.* **Ýerine salmak** amatly wagt aňtamak; öwezini ödemek. **Ýerine ýetirmek 1)** etmeli işi etmek. **2)** has gowy edip amal etmek. **Ýerini tapmak** özünde bar puly harçlamak, başga zadyny özi ulanmak ýa-da birine berip ýok etmek. *Eline pul düşdügi, nädýänini bilmersiň, derrew ýerini tapýar.* **Ýerini tutmak** biriniň işini dowam etdirmek, özüňden öňkiniň göreldesine eýermek, biriniň öwezini, ornuny tutup bilmek. **Ýeri gelende** öz wagtynda, jaýynda, amatly pursatynda. **Ýerini üýtgetmek** bir örüden başga ýere geçirmek. **Ýeriň-gögüň diregi** hemme zadyň esasy, iliň bar daýanjy, ýeke-täk göz dikilýän hemaýatçy. **Ýeriň pesi bilen** assyrynlyk bilen, ýuwaşlyk bilen, ogrynça. **Ýeriň tanapyny külterlemek (dartmak)** çalt ýöremek, gaty gitmek. *Gyrat ýeriň tanapyny külterleýär* ("Görogly"). **Ýeriň teýinde (aşagynda) ýylan gäwüşese-de bilmek** her bir gizlin, ýaşyryn zatlardan hem habardar bolmak, her bir zatdan habarly bolmak. **Ýeriňi üýtgetmek** başga ýere göçmek. **Ýeriň ol ujy** örän daş ýer. *Seniň öýüň ýeriň ol ujunda eken.* **Ýeriň ýüzi 1**) ýeriň üsti; ýeriň üstki gatlagy. **2**) gaty köp adam, hemme kişi. *Toýda şeýle bir adam köp eken, ýeriň ýüzi süýşup gelipdir diýdirýär.* **Ýer sermäp galmak** boş galmak. **Ýersiz ýere** hiç hili sebäp bolmazdan, biderek, geregi bolmasa-da, zerurlyk ýok ýagdaýynda. *Ýersiz ýere iki*

*baka alakjamak*. **Ýer urup, ýerde galan** hossarsyz; elinde maly, emlägi galmadyk, garyp, pukara, ýarlykly garyp. **Ýerden ýeke çykan** hiç hossary, garyndaşy ýok adam, hossarsyz. **Ýerden ýörär** ýöräp bilýän bar kişi, bary, uly-kiçi hemmesi. **Ýer ýaly** ýuwaş, gep-gürrüň bilen işi ýok.*Ýer ýaly ýigit.* **Ýer ýarylmady, men girmedim** bir zat üçin gaty utanylanda aýdylýar, utanjyňdan ýaňa girere deşik tapmazlyk, masgara bolmaklyk. **Ýer ýumruklamak** bütinleýin närazy bolup, garşylyk bildirmek. **Ýer ýuwudan (çeken) ýaly bolmak** zym-zyýat bolmak, ýitirim bolmak, gürüm-jürüm bolmak. **Ýer ýüzi 1)** ýer togalagynyň ähli ýeri. *Gadymy türkmen taryhynyň tebigatyndan we zähmetsöýer halkynyň aýratyn zehininden kemala gelen ahalteke bedewi özüniň gany bilen ähli münülýän atlaryň görnüşlerini yzda galdyryp, ýer ýüzüniň atçylyk sungatyny öz yzyna düşürip alyp gitmegiň hötdesinden geldi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz, 3 s.). **Ýer ýykyp gözlemek (agtarmak)** jan edip gözlemek, tapjak bolup barylmadyk ýer galmazlyk. *Ony köçeme-köçe ýer ýykyp gözlediler* ("Görogly").

**ÝERALMA,** *at. ösüml.* Togalak kösükleri iýilýän gök ekin we şol gök ekiniň özi, kartoşka. *Onuň suwunyň ýüzünde çüýrük ýeralmanyň gabyklary gaýýardy* (A. Gowşudow).

**ÝERASTY** [ýerassy], *syp.* Ýeriň aşagynda ýerleşen, ýeriň aşagyndaky. *Ýerasty suwlar. Ýerasty baýlyklar.*

**ÝERBE-ÝER** [ýerve-ýer], *hal.* Öz ýerinde, ýerli-ýerinde, jaýba-jaý, tertipli. *Men öz işlerimi ýerbe-ýer etdim.*

**ÝERBE-ÝERLIK** [ýerve-ýerlik], *at.* Ýerbe-ýer ýagdaýda bolmak. *Tekjede goýlan kitaplaryň ýerbe-ýerligi göwnüňi göterýärdi.*

**ÝERBITI** [ýerviti]: **ýerbiti ýaly** örän kiçi, has kiçijik.

**ÝERÇI,** *syp, gepl.d.* Bolýan ýerine, gatnaýan ýoluna belet (mal hakynda). *Düýämiz bar-a, gaty ýerçi ekeni, obadan çykdym weli, göni alyp geläýdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝERÇILIM,** *at.* Bir ujuna temmäki guýup, beýleki tarapyndan sormak üçin palçykdan lüle görnüşinde ýasalýan ýasy çilim. *Ýerçilim ýan ýoldaşy, ýanynda bir çakmak bolar* (Kemine)

◊ **Ýerçilim ýaly** kiçi göwreli, gabarasy kiçijik. *Ýerçilim ýaly bolup, onuň ile göwni ýetenok.*

**ÝERÇÖREK** [ýerçörök] *at.* Gora gömlüp bişirilýän çörek. *Durdy çopan ýerçörek bişirmäge girişdi* (A. Gowşudow).

**ÝERDEMIR,** *at.* Ýer sürmek üçin azalyň kündesiniň ujuna geýdirilýän demir. *Onuň aşak ýanynda, ýerde iki sany posly ýerdemri ýatyr, başga-da çägä bulaşyp ýatan demir bölekleri kändi* (A. Gowşudow).

**ÝERDEŞIK,** *at.* Jaýyň düýbünde howa çykar ýaly goýulýan deşik.

**ÝERDÖLE** [ýerdölö] *at.* Mal saklamak ýa-da odur-budur goýmak üçin ýerden gazylyp, üsti basyrylýan döle. *Ekinçilermi, orakçylarmy, kimem bolsa, şol ýerde birtopar ýerdöle gazyp taşlap gidipdirler* (A. Gowşudow).

**ÝERI,** *ugrukd. s.* Ýüzlenilende "hany, göreli" manysynda ulanylýan söz. *Ýeri, oglum, bu gün näme getirdiň!*

**ÝERINE,** köm.s. Deregine, ornuna, öwezine. *Ýoldaşyň ýerine işlemek.*

◊ **Ýerine ýetirmek 1)** berjaý etmek, amala aşyrmak, iş ýüzüne geçirmek. **2)** saz çalmak, aýdym aýtmak. *Aýdymy ýerine ýetirmek. Sazy ýerine ýetirmek.* **3)** işi bolmalysy ýaly derejede etmek. *Palawy ýerine ýetirip iýdiler.*

**ÝERKI: ýerki dodak** ýalanyp-ýalanyp eti çykan ýaraly dodak, ýalama dodak.

**ÝERKÜME** [ýerkümö], *at.* Ýaşamak üçin ýerden gazylyp edilýän küme.

**ÝERLEME**, *iş ady.* Ýerlemek ýagdaýy.

**ÝERLEMEK I,** *işl.* Täze ýerde ýaşamaga öwrenişmek, uýgunlaşmak. *Biziň obamyzda seniň ýerlejegiňe men şübhelenemok.*

**ÝERLEMEK II,** *işl.* Ýeri gyratlap uçmak, ýere golaý uçmak. *Gyrgy ýerläp uçýardy.*

**ÝERLEMEK III,** *işl.* Harydy satyp bolmak, ýerleşdirmek. *Harytlarymy ýerläp bildim.*

**ÝERLEMEK IV** *işl.* Ýere bermek, jaýlamak (merhum hakynda).

**ÝERLEMEK V,** *işl.* Durmuşa çykarmak. *Altyn ýaly gyzym bolsa, her wagt hem ýerläp bilerin* ("Edebiýat we sungat").

**ÝERLEŞDIRMEK I,** *işl.* Harytlary satyp bolmak; gowşurmaly ýerlerine gowşuryp çykmak.

**ÝERLEŞDIRMEK II,** *işl.* Aradan çykany jaýlamak.

**ÝERLEŞDIRMEK III,** *işl.* **1.** Durmuşa çykarmak. *Onuň gyzy akyllydy. Ýöne ol kemsiz ýetişipdir-dä. Ony ýerleşdirmeli boljak-da* (R. Allanazarow). **2.** Birini işe salmak.

**ÝERLEŞDIRMEK IV,** *işl.* **1.** Adamlary, kärhanalary we ş.m. belli bir ýerde ornaşdyrmak, mekan tutdurmak. **2.** Ýerbe-ýer goýmak, sygdyrmak. *Ony jaýa ýerleşdirdim.* **3.** Orun bermek. *Gazetde şahyryň iki goşgusy ýerleşdiripdirler.*

**ÝERLEŞIKLI,** *syp.***1.** Gowy ýerleşdirilip goýlan, jaýba-jaý, tagaşykly. **2.** Ornaşykly, jaýly. *Öýüň içindäki zatlaryň goýluşy örän ýerleşikli. Ýerleşikli oturmak.*

**ÝERLEŞMEK I,** *işl.* Täze ýere öwrenişmek.

**ÝERLEŞMEK II,** *işl.* Harydy satmaga kömekleşmek.

**ÝERLEŞMEK III,** *işl.* Aradan çykany depin etmäge gatnaşmak, bilelikde depin etmek.

**ÝERLEŞMEK IV,** *işl.* Gyzy durmuşa çykarmaga ýardam etmek.

**ÝERLEŞMEK V,** *işl.* **1.** Bir ýerde mesgen tutmak, orun tutmak. *Dermanhana şu ýerde ýerleşýär.* **2.** Sygmak, ornaşmak, jaýlaşmak. *Myhmanhanamyza segsen adam ýerleşýär.* **3.** Işe, okuwa girmek, kabul edilmek. *Işe ýerleşmek. Okuwa ýerleşmek.*

**ÝERLETMEK I,** *işl.* **1.** Ýerlemegini üpjün etmek. **2.** Ýerlemäge mümkinçilik bermek.

**ÝERLETMEK II,** *işl.* Harydy başga birine satdyrmak.

**ÝERLETMEK III,***işl.* Aradan çykany jaýlatmak.

**ÝERLI,** *syp.* **1.** Ekin ekmäge ýeri bar bolan. *Ýerli adam özüni eklär.* **2.** Belli bir ýere, sebite mahsus bolan, degişli bolan. *Ýerli däp. Ýerli gepleşik.* **3.** Ozaldan şol bir ýerde, sebitde ýaşap ýören, önüp-ösen. *Ýerli halk.*

◊ **Ýerli wagt** gije-gündiziň belli bir ýerde kabul edilen wagt hasaby. *Ýerli wagt bilen sagat on ikide Watana uçduk.*

**ÝERLIK,** *at.* **1.** Mata, haly dokar ýaly we ş.m. üçin erişlik, argaçlyk sapak, ýüp, ýüplük. *Ýerligiň bolsa, dokmany ýüwürdäýmeli ekeniň-dä.* **2.** Ata-babasynyň ýaşan ýeri, ýurdy.

**ÝERLIKLI,** *syp.***1.** Öz ýerinde, jaý ýerinde, öz wagtynda. *Iş wagtyndan ýerlikli peýdalanmak.* **2.** Degerli, esasly. *Meniň pikirimçe, munuň birnäçe ýerlikli sebäpleri bar* ("Edebiýat we sungat"). **3.** Gowy häsiýetli, parahat (adam hakynda). *Özi ýerlikli adam eken.*

**ÝERLIKLILIK,** *at.* Ýerlikli bolmaklyk. *Berlen jogabyň ýerlikliligini hemmeler makullady.*

**ÝERLIKSIZ,** *syp.* Ýerlikli bolmadyk. *Ýerliksiz sorag.*

**ÝERLIKSIZLIK,** *at.* Ýerlikli dällik, ýerliksiz bolmaklyk.

**ÝERLI-ÝERDEN,** *hal.* Hemme ýerden, dumly-duşdan, her kim bir ýandan, töwerek-daşdan.

**ÝERLI-ÝERINDE** [ýerli-ýerinne], *hal., ser.* **Ýerbe-ýer**. *Çopanlaryň oýluklary, tüňçe-käseleri, goş-golamlary ýerli-ýerinde rejeli durdy* (B. Seýtäkow).

**ÝERLI-SUWLULYK** [ýerli-suwluluk], *at.* Ýeri-suwy barlyk, ýer we suw bilen üpjün edilen ýagdaýda bolmaklyk. *Ýerli-suwlulyk bu hojalygy galkyndyrdy.*

**ÝERLI-SUWLY,** *syp.* Ýeri-suwy bar bolan, ýer hem-de suw bilen üpjün edilen.

**ÝERSIZ,** *syp.* **1.** Ekin ýeri bolmadyk, ýerden mahrum. **2.** Ýeri belli bolmadyk, görkezilmedik, orunsyz. *Hiý-de, bileti ýersiz satyp bormy?!* **3.** *göç.m. ser.* **Ýerliksiz.** *Ýersiz gaharyň gowulygyň üstünden eltmeýänini saňa men öwretmelimi näme?* (B. Kerbabaýew).

**ÝERSIZLIK,** *at.* **1.** Ekin ýeri bolmazlyk, ýerden mahrumlyk. **2.** Bellenen orny bolmazlyk, orunsyzlyk.

**ÝERSIZ-SUWSUZ,** *syp.* Ýeri-suwy bolmadyk, ýerden-suwdan mahrum.

**ÝERSIZ-SUWSUZLYK** [ýersis-suwsuzluk] **II,** *at.* Ýeriň-suwuň bolmazlyk, ýerden-suwdan mahrumlyk.

**ÝERSIZ-ÝERE,** *hal.* Nähak, biderek ýere, sebäpsiz, hiç hili esassyz (*ser.* **Ýersiz ýere**).

**ÝER-SUW,** *at.***1.** Ýer we suw. *Ata-baba ýer-suw arzuwyny edip, bagryny paralan daýhan bu gün mülk eýesi boldy.* **2.** *syp.* Ýere we suwa degişli. *Ýer-suw paýlanyşygy.*

**ÝERTUDANA** [ýertu:dono] *at. ösüml.* Ekilýän otjumak ösümlik we onuň gyzyl tudana meňzeş miwesi.

**ÝER-ÝESIR** [ýer-ýesi:r], *hal.* Yzanda-çuwan, kynçylykly, horlukly (ýagdaý). *Ulagsyzlar ýer-ýesir gol tutuşyp ýola düşdüler* (B. Kerbabaýew).

**ÝERZEMIN** [ýerzemi:n], *at.* **1.** Köplenç, jaýyň aşagyndan gazylyp edilýän jaý. **2.** *gepl.d.* Tussag saklanýan jaý, zyndan.

**ÝESER,** *syp.* **1.** Özüne çekiji, täsirli. *Mätäji diýr, aldy huşum, Ýeser gara zülpüň seniň* (Mätäji). **2.** *göç.m.* Mekir, hilegär, köpbilmiş. *Ýeseriň ýedi ýere kössi ýeter* (Nakyl). **3.** *göç.m.* Etjegi içinde, ýeserlik edýän (*ser.* **Ýeserlik** dogumly, ýaman (*ser.* **Ýaman 3**). *Mürzeweliň aty ýeser, gamçylasaň gaýra teser* (Halk döredijiliginden). *Ýeser adam.*

◊ **Ýeser ýerde gaý tutmak (turmak)** garaşylmaýan, islenmeýän wagtda päsgelçilik ýüze çykmak.

**ÝESERJE,** *syp.* Ýeser häsiýetlije. (*ser.* **Ýeser 3**). *Ýeserje oglan.*

**ÝESERLENMEK,** *işl.* **1.** Dogumlanmak, başarnykly bolmak. **2.** *göç.m.* Mekirligiň, hilegärligiň artmak, köpbilmişlik edip başlamak.

**ÝESERLIK,** *at.* **1.** Başarnyklylyk, dogumlylyk. *Bu işde batyrlyk, gaýduwsyzlyk, edermenlik, çydamlylyk, ýeserlik hem başarjaňlyk – hemmesi hem birden gerekdir* (A. Gowşudow). **2.** *göç.m.* Mekirlik, hilegärlik. *Olar örän ýeserlik bilen iş görenleri üçin, nireden, kimden ýeteni mälim bolmandyr* (B. Kerbabaýew).

**ÝESERSIREME,** *iş ady.* Ýesersiremek ýagdaýy.

**ÝESERSIREMEK,** *işl.* Ýeser bolan bolmak, özüňi ýeser görkezjek bolmak.

**ÝESIR** [ýesi:r], *at.* **1.** Uruşda duşmanyň eline düşen adam, bendi. **2.** *göç.m.* Bir zadyň höwesgäri, ölemen hyrydary, aşygy. *Däl men entek hiç bir gyzyň ýesiri* (B. Hudaýnazarow). **3.** *göç.m.* Enesiz galan. *Atasyz – ýetim, enesiz – ýesir* (Nakyl). **4.** *gepl.d.* Naçar, aýal-gyz. *Kakajan, öz ýesiriňe rehimiň gelsin.*

◊ **Ýesir etmek 1)** bendi etmek, tutup mejbury suratda alyp gitmek. **2)** bir zadyň sergezdany etmek, aşygy etmek. *Men hünäri bilen bizi ýesir eden şol sazanda hakda gürrüň gozgadym* ("Edebiýat we sungat"). **Ýesiri bolmak** bir zadyň aşygy bolmak, sergezdany bolmak, höwesgäri bolmak.

**ÝESIRÇILIK** [ýesi:rçilik], *ser.* **Ýesirlik.**

**ÝESIRLIK** [ýesi:rlik], *at.* **1.** Ýesir bolmaklyk, bendilik, ýesiriň hal-ýagdaýy. **2.** *göç.m.* Bir zada höwes edijilik, hyrydarlyk, bir zada aşyklyk. *Söýgi ýesirligine düşen jahyl-juwanlar üçin Gürgeniň kenary duşuşyk jaýydy, tapyşyk meýdanydy* (G. Kulyýew).

**ÝETDE-GÜTDE** [ýetde-ğütdö], *syp.* Ýeter-ýetmez (gün-güzeran hakynda).

**ÝETDE-GÜTDELIK** [ýetde-ğütdölük], *at.* Ýetde-gütde ýagdaýda güzeran görmeklik.

**ÝETDIK: ýetdik hak (paý)** paýlanyşykda, bölünişikde ýetýän, düşýän hak, paý.

**ÝETDIRMEK,** *işl.* **1.** Ýaryşda, ylgawda yzyndan ýeter ýaly etmek, ýetmegine mümkinçilik bermek. *Men nädip yzymdan ýetdirenimi bilmändirin.* **2.** *göç.m.* Garyp düşmek, lüt galmak, güzeran görmegiň kynlaşmak. **3.***göç.m.* Garrylyk zerarly kuwwatdan düşmek, lagşamak. **4.** *göç.m.* Miýesser bolmak, duçar bolmak, başartmak. *Men özüme ýazyjy bilen gürrüňdeş bolmagyň ýetdirenine begenip, depäm göge diredi* (B. Gulow).

**ÝETELIKLI**, *syp.*Ýeter ýaly, ýetmän durmaz ýaly (nahar hakynda). *Ýetelikli bolar ýaly, palawy köpräk ataryň, myhman köp çagyrylandyr*.

**ÝETEŇKIRLEMEK,***işl.* Ýetip barmak, ýetibermek. *Olaryň yzyndan ýeteňkirläberenimizde, maşynymyzyň benzini gutaryp galdy* (A. Nazarow).

**ÝETERLIK,** *syp.* **1.** Talaby, islegi kanagatlandyryp biljek, gerek bolan mukdardaky, kanagatlanarlyk. **2.** *göç.m.* Bes, bolýar, ýetik.

**ÝETERLIKLI,** *syp.* Ýeterlik mukdarda bolan, talaby kanagatlandyryp bilýän, kanagatlanarlykly. *Ýeterlikli sowatly adamlar örän köpdür.*

**ÝETERLIKSIZ,** *syp.* Ýeterlik bolmadyk, ýeterlik däl.

**ÝETER-ÝETMEZ,** *syp.* **1.** Çala ýetýän, zordan ýetýän. *Ýüpümiz ýeter-ýetmez boldy.* **2.** Çala ýeter ýaly, zordan ýeter ýaly. *Gyz bir almany Temmeliň eli ýeter-ýetmez ýerde goýupdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **3.** Az mukdarly, azlyk edýän, ýetjegi-ýetmejegi näbelli. *Halylyk ýüpümiz ýeter-ýetmez boldy.* **4.** *göç.m.* Bolar-bolmaz, bolgusyz, ugursyz, bihepbe. *Her ýeter-ýetmeze ynanyp bolmaz.*

**ÝETER-ÝETMEZLIK,** *at.* Bolelin dällik, ýeterlik bolmadyk, gyltyz kakmaklyk, gytçylyk.

**ÝETESI**, *syp.***1.** Özüne ýeterlik; özüne mahsus bolan. *Elbetde, bu zatlaryň özüne ýetesi sebäbi bardyr* (O. Gadamow). **2.** Ol derejä ýetjek, ýetip biljek (iň bir islenilýän zat hakynda gürrüň edilende aýdylýar). *Dostlar bilen başymyzy jemläp, sähra ýere çyksak, dynç alsak, ýaz ýagşam aram-aram ýagyp dursa... Şeýle bolaýsa, oňa ýetesi näme bolup biler?*

**ÝETEŞIKLI,** *syp.* Ähli etmeli işlerini etmäge ýetişýän (köplenç, aýal maşgalalar hakynda). *Dursunyň gelni gaty ýeteşikli maşgala, hem işine gidýär, hem öýüň hysyrdysyna ýetişýär.*

**ÝETGINJEK,** *at,* Ýaňy ýetişip barýan 10-15 ýaşly oglan, heniz ýigit çykmadyk oglan.

**ÝETGINJEKLIK,** *at.*Ýetginjek bolmaklyk, ýetginjek ýaşlarynda bolmaklyk, ýetginjegiň ýagdaýy.

**ÝETIK,** *syp.* **1.** Bir zat hakynda habary bolan, anygyna ýeten, belet, habarly. **2.** *ser.* **Ýeterlik.** *Onsuz-da olaryň dertleri özlerine ýetikdir* (B. Kerbabaýew). **3.** Aýy-güni dolan, bolmaly wagty gelen (çaga hakynda). *Ýetik dogan çaga sagdyn ösýär.* **4.** Köp, bol, ýeterlik.

**ÝETIKLIK,** *at.* Bir zat hakynda doly habarlylyk, bir zada beletlik. *Onuň bu meselä ýetikligi neneň?*

**ÝETILMEK,***işl.* Barmaly sepgide barylmak.

**ÝETIM** [ýeti:m], *syp.* **1.** Ejesiz-kakasyz; ata-enesiz (çaga hakynda). *Ýetim oglan öz göbegini özi keser* (Nakyl). **2.** Enesi ölen (mal hakynda). *Ýetim guzy.*

**ÝETIMÇILIK** [ýeti:mçilik], *at.* Ýetimligiň görkezýän horluklary. *Ýetimçiligiň derdini çekmek.*

**ÝETIMEK** [ýeti:mek], *at., ser.* **Ýetim 1.**

**ÝETIMKÖŞE** [ýeti:mkö:şö], *at.* Çuwaly, torbany tutmak, götermek üçin iki gapdalynda goýulýan ýeke köşe.

**ÝETIMLIK** [ýeti:mlik], *at.* Ýetimiň ýagdaýy, ata-enesizlik, hossarsyzlyk. *Ah, ýetimligiň, sallahlygyň ýüzüne köz degsin* (B. Kerbabaýew).

**ÝETIMOLTAŇ** [ýeti:moltoň], *at.* Çokaýyň dabanynyň astyna ýamalýan bölek oltaň, ýama.

**ÝETIMSIREME** [ýeti:msireme], *iş ady.* Ýetimsiremek ýagdaýy.

**ÝETIMSIREMEK** [ýeti:msiremek], *işl.* Ýetimlik ýagdaýyny duýup başlamak, ene-atasyzlyk ýagdaýyny duýmak. *Ony aljyraňňylyga salýan ýagdaý, ylaýta-da, Ballynyň dört ýaşly gyzynyň ýetimsiräp barmagydy* (B. Kerbabaýew).

**ÝETIMSIREMEKLIK** [ýeti:msiremeklik], *iş ady.* Ýetimsiremek ýagdaýy.

**ÝETIMSIRETMEK** [ýeti:msiretmek], *işl.* Ýetim hökmünde kemsitmek, ýetimligini biler ýaly ýagdaýa salmak.

**ÝETIMSIRETMEZLIK** [ýeti:msiretmezlik], *iş ady.* Ýetimligini duýdurmazlyk, bildirmezlik. *Ene urşuň yzynda galan atasyz çagalaryny ýetimsiretmedi.*

**ÝETIMSIREÝIŞ** [ýeti:msireýiş], *iş ady.* Ýetimsireme ýagdaýy.

**ÝETIM-ÝESIR** [ýeti:m-ýesi:r], *syp.* **1.** *ser.* **Ýetim.** **2.** *göç.m.* Degişli hossary bolmadyk, garyp-gasarlar, pakyr-pukaralar.

**ÝETIM-ÝESIRLIK** [ýeti:m-ýesi:rlik], *at.* **1.** *ser.* **Ýetimlik.2.***göç.m.* Degişli hossarsyzlyk, garyp-gasarlyk, pakyr-pukaralyk.

**ÝETIRILMEK,***işl.* Ýetmeli ýerine eltilmek, gowşurylmak. *Bu habar çopanlara-da ýetirilipdi.*

**ÝETIRINMEK,***işl.* Gazanjyňy öz eklenjiňe ýetirmek.

**ÝETIŞDIRILMEK,** *işl.* **1.** Bellenen wagtyna taýýar edilmek. **2.** Kemala getirilmek.

**ÝETIRIŞDIRMEK,** *işl.* Wagtynda habar berişdirmek, duýduryşdyrmak.

**ÝETIRMEK,** *işl.* **1.** Habary we ş.m. belli bir aradaşlyga eşitdirmek, mälim etmek. **2.** Üleşikde, bölünişikde hemmelere ýeter ýaly etmek, hemmelere paýyny berip çykmak. *Toý ýaglygyny hemmelere ýetirdi.* **3.** Belli bir derejä eltmek, bir zadyň deňine eltmek, deňlemek.

**ÝETIŞDIRMEK,** *işl.* **1.** Bilim-terbiýe berip ösdürmek, kemala getirmek. **2.** Ideg etmek, ösdürip, boý aldyrmak, hasyla duruzmak. **3.** Bellenen wagtynda taýýar etmek, öz wagtynda taýýarlamak. *Işimizi aýyň ahyryna çenli ýetişdireris.*

**ÝETIŞEŇKIRLEME,** *iş ady.* Ýetişeňkirlemek ýagdaýy.

**ÝETIŞEŇKIRLEMEK,** *işl.* Ýetişip barmak, ýetişmäge az galmak.

**ÝETIŞEŇKIRLEMEKLIK,** *iş ady.* Ýetişeňkirlemek ýagdaýy.

**ÝETIŞEŇKIRLEÝIŞ,** *iş ady.* Ýetişeňkirlemek ýagdaýy.

**ÝETIŞIBILDIGINDEN** [ýetişivilliğinnen], *hal.* Bar güýji bilen, çalt, aldygyna, haýdap. *Tüpeňiň gundagy bilen eliniň ýetişibildiginden urýardy* (A. Gowşudow).

**ÝETIŞIK,** *at.* Okuwy özleşdirip, bilim alyş derejesi. *Şeýle-de bolsa okuwa ýetişigim erbet däldi* (R. Gelenow).

**ÝETIŞIKLI,** *syp.* **1.** Hemme işine başarjaňlyk bilen ýetişýän, ýeteşikli. **2.** Çalt dadyňa ýetýän (adam hakynda).

**ÝETIŞIKLILIK,** *at.* Ýetişikli bolmaklyk, her bir zada ýetişip bilijilik.

**ÝETIŞIKSIZ,** *syp.* Garabaşyna gaý, aljyraňňy, işine ýetişip bilmeýän. *Diýdi: "Huş galmandyr meniň başymda, Hemişe-de ýetişiksiz işimde"* (A. Kekilow).

**ÝETIŞIKSIZLIK,** *at.* Ýetişiksiz halda bolmaklyk.

**ÝETIŞMEK I,** *işl.* **1.** Barmaly ýeriňe aýny wagtynda barmak. *Hernä wagtynda ýetişäýdiň, ýogsa ol it meni gemirjek eken* (A. Gowşudow). **2.** Geçilýän sapaklary doly özleşdirmek, talabalaýyk okamak. **3.** Wagtynda gutarmak, tamamlamak, taýýar etmek. *Işi gutaryp ýetişdim.*

**ÝETIŞMEK II,** *işl.* **1.** Kämillik ýaşyna ýetmek, kemala gelmek.*Ol (gyz) kemsiz ýetişipdir* (R. Allanazarow). **2.** Bişmek, iýer ýaly bolmak; doly boý almak. *Onuň miwesi ir ýetişdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝETLIŞMEK,** *işl., ser.* **Ýetişmek I.**

**ÝETME,** *iş ady.* Ýetmek ýagdaýy.

**ÝETMEK,** *işl.* **1.** Öňden barýanlar ýa-da öňdäkiler bilen deňleşmek. *Ol ylgap ýoldaşlarynyň yzyndan ýetdi.* **2.** Belli bir ýere baryp ýetişmek, barmak. *Şähere gün ýaşyberende ýetdik.* **3.** Belli bir mukdarda ýetdik paýyň berilmek, paý düşmek. *Maňa ýeten şu ýaglyk boldy.* **4.** Ýeterlik bolmak, geregiçe bolmak. *Beren kagyzlaryň ýazmaga ýetdi.* **5.** Biriniň ýa-da bir zadyň täsiri bolmak, sebäp bolmak. *Bu işiň Görogludan ýetenini aňlady* ("Görogly"). **6.** Ýaşy, wagty, möhleti, sany belli bir mütdete barmak. *Ýigdekçäniň ýaşy on alta ýetdi.* **7.** *göç.m.* Sanalgyň dolmak, kazaň dolmak. *Ýatan ölmez, ýeten öler* (Nakyl). **8.** Ölçeg, çäk boýunça belli bir möçbere deň bolmak.

**ÝETMEZ,** *at, ser.* **Ýetmezçilik.**

◊ **Ýetmezini ýetirmek** ýok zatlaryny tapyp bermek.

**ÝETMEZÇILIK,** *at.* **1.** Bir işde, durmuşda ýüze çykýan nädogrulyk, kemçilik. **2.** Ýeterlik bolmazlyk, azlyk, gytlyk etmeklik, bolelin dällik.

**ÝETMIŞ,** *san.* 70 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

**ÝETMIŞINJI,** *san.* 70 sanyndan ýasalan tertip san.

**ÝETNE,** *at.* Bir zadyň üstüni ýetirmek üçin goşmaça, goşant. *Tikiljek geýim üçin ýetne almaly boldy.*

**ÝETNELIK,** *syp.* Üstüni ýetirmek üçin alynýan (mata, zat). *Ýetnelik mata.*

**ÝEWREÝ** [ýevreý], *at, ser.* **Ýewreýler.**

**ÝEWREÝLER** [ýevreýler], *at.* Taryhy gelip çykyşy boýunça semit diller toparyna degişli bolan halk.

**ÝEWRO** [ýe:vro], *at.* Ýewropa bileleşigine giren döwletleriň täze ýeke-täk pul birligi.

**ÝEWROPALY** [ýevro:poly] *at, ser.* **Ýewropalylar.**

**ÝEWROPALYLAR** [ýevro:polulor], *at.* Ýewropada doglanlar ýa-da ýaşaýanlar.

**ÝEWROWIDENIÝE** [ýe:vrovi:denýe], *at.* **1.** Ýewropa döwletleriniň telekompaniýalarynyň arasynda yzygiderli suratda telewizion gepleşikleriň alyş-çalşyny amala aşyrýan halkara guramasy. **2.** Şol guramanyň kanallary boýunça görkezilýän telewizion gepleşikler.

**ÝEZIT** [ýezi:t], *syp.* **1.** Ganym duşman, zalym, azgyn. *Keseýliň ýezidiň başyn, Han, Öwez, Töwrız gideli* ("Görogly"). **2.** "Ýigrenji" manysynda gelýän gödek söz.

**ÝEZITLIK** [ýezit:tlik], *at.* Ýezide mahsus gylyk-häsiýet.

**ÝIGDEKÇE** [ýiğdekçe], *at.* Ýigit çykyp ugran ýetginjek.

**ÝIGDELIŞ** [ýiğdeliş], *iş ady.* Ýigdelmek ýagdaýy.

**ÝIGDELIŞMEK** [ýiğdelişmek], *işl.* Birneme ýigdelmek.

**ÝIGDELME** [ýiğdelme], *iş ady.* **1.** Ýigdelmek ýagdaýy. **2.** Sagdynlaşma, ýüzüň-gözüň gowulanma. *Kakalarynyň ýigdelmesi çagalaryny begendirdi.*

**ÝIGDELMEK** [ýiğdelmek], *işl.* **1.** Ýigit görünmek, ýaş bolup görünmek. *Onuň sag-aman gelendigine begenjinden birnäçe ýaş ýigdelene döndi* (B.Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Daýanmak, kuwwatlanmak. *Ogly uruşdan gaýdyp gelen ene ýigdeldi.*

**ÝIGDELMEKLIK** [ýiğdelmeklik], *iş ady.* Ýigdelmek ýagdaýy.

**ÝIGDELTMEK** [ýiğdeltmek], *işl.* Ýigit görkezmek, ýaş görkezmek; ýigit hala getirmek. *Güngünden göterlip halkyň höwesi, Garryny ýigdeldýän ýyldyr ýylymyz* (N. Pomma). *Ýöne seniň bu toýuň meni azyndan ýigrimi ýaş dagy ýigdeltdi* (B. Seýtäkow).

**ÝIGIT** [ýiğit], **1.** *syp.* Ýigitlik ýaşyna ýeten, jahyl çykan. *Ýigit adam.* **2.** *at.* Ýigit ýaşyndaky adam. **3.** *syp.* Oňat terbiýeli, syratly, ýetişen oglan. *Ýaş ýigitler.* **4.** Ýigdekçelere, ýetginjeklere ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Geliş niredendir, ýagşy ýigit?* (N. Saryhanow).

◊ **Ýagşy ýigit 1)** ýaş adamlara ýüzlenilende ulanylýan aňlatma. **2)** asylly, edepli ýigit. **Ýaşgy ýigit aş üstüne** naharyň üstüne gelen adama aýdylýar. **Ýigit çykmak** ýigitlik ýaşyna ýetmek, ýetişmek,

kemala gelmek, kämillik ýaşyna ýetmek. **Ýigit synlamak** giýew boljak ýigidi gözden geçirmek.

**ÝIGITLIK** [ýiğitlik], *at.* Adamyň ýaşynyň ýetginjeklik wagty bilen durguşan döwrüniň arasyndaky çagy. *Ne zowky-sapalar ýigitlik bilen, Bahar bolup geçdi, bizden daş galdy* (Magtymguly).

**ÝIGITSIREMEK** [ýiğissiremek], *işl.* Ýigit däl halyna ýigit boljak bolmak.

**ÝIGRENÇ** [ýiğrenç], *at.* Biri ýa-da bir zat barasynda döreýän ýakymsyz, erbet duýgy. *Molla Hoşlynyň ýüreginde kiçijik Wepa garşy ýangynly ýigrenç döredi* (A. Gowşudow).

**ÝIGRENDIRMEK** [ýiğrennirmek], *işl.* Özüňi ýigrener ýaly hereket etmek. *Özüňi ýigrendirmek.*

**ÝIGRENILMEK** [ýiğrenilmek], *işl.* Ýigrenji adam hasaplanmak, erbet görülmek. *Ýigrenilýän ýeriňe barmazlyk ýagşy.*

**ÝIGRENJI** [ýiğrenji], *syp.* **1**. Ýigrenç döredýän, nejis. *Çilim çekmek diýen ýigrenji endikden saplandym.* **2**. Köplenç, ýaş gyzlaryň dilinde birine göwnüýetmezçilik bilen aýdylýan söz. – *Ýok bol, gözüme görünme, ýigrenji* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýigrenjiňi (pisiňi) aşyrmak** erbet görünmek, wejera bolup durmak. *Ýigrenjisini aşyryp, şol sögünip durşy* ("Görogly").

**ÝIGRENJILIK** [ýiğrenjilik], *at.* Ýigrenji bolmaklyk, ýigrenji görünmeklik, nejislik. *Umsagül Aýnanyň şol garaýşynda bir sorag, bir müňkürlik, bir ýigrenjilik syzsa-da, oňa ähmiýet bermedi* (B. Kerbabaýew).

**ÝIGRENME** [ýiğrenme], *iş ady.* Ýigrenmek ýagdaýy.

**ÝIGRENMEK** [ýiğrenmek], *işl.* Birine ýa-da bir zada ýigrenç bilen garamak, ýigrenji hasaplamak, erbet görmek, ýaman görmek, halamazlyk. *Ýylanyň ýigrenini narpyz, ol hem hininiň agzynda gögerer* (Nakyl).

**ÝIGRENMEKLIK** [ýiğrenmeklik], *iş ady.* Ýigrenmek ýagdaýy.

**ÝIGRENMEZLIK** [ýiğrenmezlik], *iş ady.* Ýigrenç bilen garamazlyk.

**ÝIGRENTGI** [ýiğrentgi], *syp., gepl.d., ser.* **Ýigrenji**. *Aý, sen-ä bir ýoknasyz, ýigrentgi ekeniň.*

**ÝIGRIMI** [ýiğrimi], *san.* 20 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

◊ **Ýigrimi bäşiň dälijesi** ýigitligiň aýny wagty, diýen wagty. *Ýigrimi bäşiň dälijesi yşky mestana geler* (Kemine).

**ÝIGRIMINJI** [ýiğriminji], *san.* 20 sanyndan ýasalan tertip san. *Ýigriminji asyr.*

**ÝIGRIMILIK** [ýiğrimilik], *at.* Käbir zatlaryň ölçeg birligini görkezýän san. *Ýigrimilik tigir.*

**ÝILIK**, *at. lukmanç.* Kelle beýnisiniň we el, aýak süňkleriniň içini doldurýan madda (*ser.* **Ýülük**).

◊ **Ýiligini sormak** uzak wagtyň dowamynda horlamak, ezmek; zulum etmek.

**ÝIP-ÝITI**, *syp.* Örän ýiti.

**ÝIRDIRMEK**, *işl.* **1**. Ýirmek işini başga birine etdirmek. **2**. Ýirilmegine sebäp bolmak. **3**. Ýirmäge mümkinçilik bermek.

**ÝIRDIRMEZLIK**, *iş ady.* Ýirdirmän saklamak.

**ÝIRDIRTMEK**, *işl., ser.* **Ýirdirmek**.

**ÝIRIK**, **1**. *syp.* Bir zadyň gyrasy dilnen ýa-da ýyrtylan. **2**. *at.* Burun, dodak ýaly agzalaryň dilnen, ýyrtylan ýeri. *Hür-hürüjik, burny ýirijek* (Matal. Jogaby: ik). **3**. *göç.m.* Içinde gep ýatmaýan, geplemesiz zady gepläp ýören (adam).

**ÝIRILMEK,** *işl.***1**. Gyrasy dilnip ýyrtylmak. *Köwşüň erni ýirlipdir.* **2.** *gepl.d.* Geplemesiz zatlary gepläp oturmak. *Ol näme beýdip ýirlip otyrka, ýa bolup bilşimikä?*

**ÝIRIŞ,** *iş ady.* Ýirmek ýagdaýy.

**ÝIRIŞDIRMEK,** *işl.* Hemmesini ýirik-ýirik etmek, dilik-dilik edip çykmak, dilişdirmek. *Suwçy ýabyň gyralaryny ýirişdirip, joýalara suw tutýardy.*

**ÝIRIŞMEK,** *işl.* **1**. Ýirmäge kömek bermek. **2**. Bilelikde ýirmek.

**ÝIRJERIŞMEK,** *işl.* Ýerli-ýerden, birnäçe bolup ýirjerip durmak. *Näme ýirjerişip dursuňyz, halaşýan görmediňizmi?*

**ÝIRJERMEK,** *işl.* Agzyň bir tarapy bilen, erniňi gyşardyp gülmek, gülümsiremek.

**ÝIRJERTMEK,** *işl.***1.** Ýirjerer ýaly etmek. **2.** Erniňi gyşardyp gülümsiremek. *Ernini ýirjerdip, gülen boldy* (R. Gelenow).

**ÝIRME,***iş ady.* Ýirmek ýagdaýy.

**ÝIRMEK,***işl.* Gyrasyny dilip ýyrtmak, ýirik etmek, dilmek. *Ol täzeje köwşüniň apgyrdyny ýiripdir. Tas onuň ernini ýiren bolsam nätjek* (B. Kerbabaýew). *Birdenem agzyny ýirere getiren agyzzyryk gowşady* (O. Ödäýew).

**ÝIT,** *üml.* Iti kowmak üçin aýdylýan söz. *Tirsegine galyp, "ýit" diýip, gygyranyna-da gulak asmady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýit, ýok bol!** Şu ýerde görünme! Jähennem bol! Owarra bol!

**ÝITELDILMEK,** *işl.* Ýiti edilmek, kesgir, ötgür edilmek.

**ÝITELDIŞMEK,** *işl.* **1**. Ýiteltmäge kömek bermek. *Birine pyçaklary ýiteldişmek.* **2**. Bilelikde ýiteltmek. *Olar oraklaryny ýiteldişip otyrdylar.*

**ÝITELIŞ,** *iş ady.* Ýitelmek ýagdaýy.

**ÝITELME,** *iş ady.* Ýitelmek ýagdaýy.

**ÝITELMEK,** *işi.* **1.** Ýiti bolmak, kesgir, ötgür bolmak. *Pyçak çalnansoň ýiteldi.* **2.** Görşi gowulanmak. *Ol ýitelen gözlerini bir nokada dikip, şeýle pikir edip oturyşyna hemme zady ýadyndan çykarypdy* (B. Seýtäkow).

**ÝITELMEKLIK,** *iş ady.* Ýitelmek ýagdaýy.

**ÝITELMEZLIK,** *iş ady.* Çalynsa-da ýiti bolmazlyk.

**ÝITELTDIRMEK,** *işl.* Ýiteltmek işini başga birine etdirmek. *Keseri ýiteltdirmek. Gyrkylygy ýiteltdirmek..*

**ÝITELTMEK,** *işl.* Ýiti etmek, kesgir, ötgür etmek. *"Alyň, pyçak" diýip, ýiteldip goýan pyçagyny uzatdy* (H. Derýaýew).

**ÝITGI,** *at.* **1.** Çekilýän zyýan; bisarpalyk sebäpli çekilýän çykdajy. **2.** *göç.m.* Ölüm, ölüm-ýitim. *Olar*

*agyr ýitgä sezewar edilip, öňki duran sepgidinden has aňryk taşlanýar* (A. Geldiýew).

**ÝITGISIZ,** *syp.* **1.** Zaýalaman, isrip etmän, zaýasyz, yrýasyz, isripsiz. **2.** *göç.m.* Ölümsiz, ölüm-ýitimsiz. *Malyň baş sanyny köpelden, ýitgisiz, semiz saklan baýap gidýär.*

**ÝITI,** *syp.* **1.** Gowy kesýän, kesgir, ötgür. *Ýiti gylyç. Ýiti palta.* **2.** Ýakyp barýan, güýçli. *Günüň ýiti şöhlesi.* **3.** Ýaldyrap duran, ýagtysy güýçli. *Asmanyň ýiti ýyldyzlary kem-kemden ölügsilenip, gündogardan göterilen daň şapagy dünýä ýüzüne çalymtyk bolup çaýyldy* (B. Kerbabaýew). **4.** *göç.m.* Güýçli depgin bilen alnyp barylýan, aldym-berdimli, güýçli, gazaply. *Birinji tapgyrda örän ýiti, çekeleşikli oýunlar boldy.* **5.** *göç.m.* Ýokary düşünjeli, üşükli, örän zehinli. *Ýiti okuwçy.* **6.** *göç.m.* Gowy görýän, görgür, içiňden geçip barýan, göreji kütelmedik. *Soň Jeren ...ýiti gözüni doganyna dikdi* (A. Durdyýew*).* **7.** *göç.m.* Gowy eşidýän, eşitgir. *Ýiti bolar gulaklary, Ýaşyl öwser ýelekleri* (M. Garryýew). **8.** *göç.m.* Içgin, ünsli,dykgatly, siňe-siňe. *Ol myhmana ýiti seretdi.* **9.** *göç.m.* Güýçli duýulýan, güýçli täsir edýän (aýaz, agyry we ş.m. hakynda). *Ýalan süýji sözden dogry ajy söz, Gowudyr ýaksa-da, bolup ýiti köz* (A. Kekilow). *Maňa ýiti seredip, Bir zat diýýärler gülşüp* (A. Kekilow). **10.** *göç.m.* Açyk, dok, göze ilgiç (reňk hakynda). *Ýiti gyzyl tiz solar* (Nakyl).

◊ **Ýitä galmak** özüňi hondanbärsi saýmak, beýik hasaplamak; ilden artykdyryn öýtmek. *Meniň başyma jaýly bolup ýitä galypsyň* (A. Gowşudow). **Ýiti burç** 90 gradusdan az bolan burç. **Ýiti gözli** hüşgär, sak. **Ýiti söz** çuň manyly, täsirli söz.

**ÝITIBURÇLUK** [ýitivuruşluk], *at.* Burçlary ýiti üçburçluk.

**ÝITIBURÇLY** [ýitivuruşly], *syp.* Burçlary 90 gradusdan az bolan. *Ýitiburçly üçburçluk.*

**ÝITIG** [ýitiğ], *at.* **1.** Ýitip, azaşyp giden mal. *Hany myhman, ýitigiňden derek tapdyňmy?* (B. Seýtäkow). **2.** *göç.m.* Gelin edinmek üçin gözlenýän gyz, gelinlik. *Meret garyndaşlaryny hem ýygnaman, hiç kime sala salman: "Ýitigiňizi başga ýerden gözläň" diýip, yzlaryna gaýtarypdy* (B. Kerbabaýew). **3.** Köp wagtlap görünmedik adama duşulanda aýdylýar. *Wi, ýitig, sen nireden çykdyň, gara bermeýärsiň-le.* **4.** Urşa gidip ýiten. *Ýitigiň yzynda galan maşgala.*

**ÝITIGÇI** [ýitiğçi], *at.* Ýitigini gözleýän adam. *– Düýäniň çep gözi körmüdi? – diýip, ýolagçy ýitigçilerden sorapdyr* (Ç. Aşyrow).

**ÝITIGÖZLÜLIK** [ýitiğözlülük], *at.* **1.** Ýiti gözli bolmaklyk. **2.** Hüşgärlik, eserdeňlik, duýgurlyk.

**ÝITIGSI** [ýitiğsi], *syp.* **1.** Zordan görünýän, çala saýgarylýan, çala mälim bolýan, öçügsi. *Gündiz çyra bilen agtarsaň-da, tapyp bolmajak ýitigsi ýodady* (A.Gowşudow). **2.** Öçügsi ýanýan, çala yşyk berýän, öçügsi, şöhlesiz, ölügsi. *Ala bulutly asmanda görünýän ýitigsi ýyldyzlary synlap ýatdylar* (A. Gowşudow).

**ÝITIGSILENMEK** [ýitiğsilenmek], *işl.* **1.** Barha ýitip barmak, gitdigiçe öçügsi bolup görünmek. *Asmanyň ýüzi agarýardy, kölegeler ýitigsilenýärdi.* **2.** Has öçügsi ýanyp başlamak. *Nebiti azalyp, ýagtysy barha ýitigsilenýän çyra öçüp galdy.*

**ÝITILENDIRMEK** [ýitilennirmek], *işl., ser.* **Ýiteltmek. 2.** *Biz öz eserdeňligimizi ylaýta-da ýitilendirmeli* (B. Kerbabaýew).

**ÝITILENIŞ,***iş ady.* Ýitilenmek ýagdaýy.

**ÝITILENME,** *iş ady.* Ýitilenmek ýagdaýy.

**ÝITILENMEK,** *işl.* Ýiti bolmak, ýitelmek, güýçlenmek. *Çyranyň ýagtysy öňküden-de ýitilendi. Onuň akyl-paýhasy gitdigiçe ýitilenýärdi.*

**ÝITILEŞDIRMEK,** *işl.* Dartgynly ýagdaýy we ş.m. güýçlendirmek, çylşyrymlaşdyrmak. *Ýagdaýy has hem ýitileşdirmek.*

**ÝITILEŞIŞ,** *iş ady.* Ýitileşmek ýagdaýy.

**ÝITILEŞME,** *iş ady.* Ýitileşmek ýagdaýy.

**ÝITILEŞMEK,** *işl.* Dartgynly ýagdaý we ş.m. güýçlenmek, beterleşmek, çylşyrymlaşmak. *Ýaryş barha ýitileşýärdi.*

**ÝITILIK,** *at.* **1.** Gowy kesýän ýagdaýda bolmaklyk, kesgirlik, ötgürlik. *Päkiniň ýitiligi.* **2.** Howry güýçlülik, gyzgyny artyklyk. *Häzir günüň şöhlesinde ýitilik ýokdy.* **3.** Has ýiti, güýçli yşyklylyk. *Çyralaryň ýitiligi gözüňi gamaşdyrýardy.* **4.** *göç.m.* Akyly kesgirlik, ýiti pikirlilik, zehinlilik, pähimlilik. *Pökgeniň daşky görnüşine seredeniňde, beýle bir ýitilik çykmajak ýaly görünýär, emma ol gaty ýiti ýatkeşdi* (A. Gowşudow). **5.** *göç.m.* Güýçli täsirlilik, täsir edijilik, ötgürlik (tagam, ys we ş.m. hakynda). **6.** *göç.m.* Dartgynlylyk, agyr ýagdaýdalyk.

**ÝITIM,** *at.* Ýitmek ýagdaýy. *Oraz aga ölüm bar, ýitim bar diýip, ogluny ýanyna çagyryp, sargyt edişdirdi.*

**ÝITIRÄK** [ýitirä:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilerden birneme ýiti.

**ÝITIRILMEK,** *işl.* Galdyrylmak; gaçyrylmak; ýok edilmek; sarp edilmek ( maliýe). *Indi etjek işiňi sähelçe soňa goýsaň hem ýitirilen wagtyň öwezini dolmak juda kyn bolar* ("Watan").

**ÝITIRIM: ýitirim bolmak** gürüm-jürüm bolmak, zym uçan ýaly ýitip gitmek, ýok bolup gitmek, nirädir gitmek, gaýyp bolmak. *Myrat hem giçden soň bir ýana ýitirim boldy* (A. Gowşudow). **Ýitirim etmek** güm etmek, ýok etmek. *Ýöne, enesiniň aýdyşy ýaly, aç-açan däl-de, hiç kime bildirmän ýitirim etjekdi* (H.Derýaýew).

**ÝITIRIŞDIRMEK,** *işl.* Birnäçe zady ýitirmek, ählisini, hemmesini ýitirip ýoklaşdyrmak. *Kitaplary ýygnap goýmamsoň, olaryň käbirini çagalar ýitirişdiripdi.*

**ÝITIRME,** *iş ady.* Ýitirmek ýagdaýy.

**ÝITIRMEK,** *işl.* **1.** Gaçyryp, ýatdan çykaryp gitmek, ýok etmek. **2.** Zyýan çekmek, zelel görmek.

◊ **Ýitireni bar ýaly** gören kişiňi synlap çykmak, boýdan-başa gözden geçirmek. *Onuň dünýä ünjüsiz garaýan gara gözleri iş otagynyň içine ýitireni bar ýaly garady* (B. Kerbabaýew). **Ýitirip tapan ýaly** örän yhlasly, örän gadyrly. *Ýitirip tapan ýaly, onuň bilen içgin-içgin elleşip, sag-amanlyk soraşdy* (N. Pomma).

**ÝITIRMEKLIK,** *iş ady.* Ýitirmek ýagdaýy.

**ÝITIRMEZLIK,** *iş ady.* Ýitirmän durmak, saklamak. *Kitaby ýitirmezlige söz berseň, ony okamaga bir hepdelik bereýin.*

**ÝITIŞ,** *iş ady.* Ýitmek ýagdaýy. *Seniň goýnuň ýitişi üýtgeşik boldy.*

**ÝITIŞMEK,** *işl.* **1**. Kem-kemden ýitip gitmek, öçügsilenip, gözden gaýyp bolup başlamak. *Ýylpyldaşýan ýyldyzlar uçýan uçgunlar ýaly ýitişip, sönşüp barýardy* (B. Kerbabaýew). **2.** Könelip, bozulyp, öçüşip başlamak, öçüşmek, bozulyşmak. *Bu daşyň ýüzüniň ýazgylary ýitişipdir.*

**ÝITI-ÝITI,** *hal.* Dykgat bilen, üns bilen, siňe-siňe, içgin-içgin. *Bir maksatjygyň bardygyny ýaňy maňa ýiti-ýiti seredeniňdenem aňdym* (O. Ödäýew).

**ÝITME,** *iş ady.* Ýitmek ýagdaýy.

**ÝITMEK,** *işl.* **1**. Gaçyp galmak, gürüm-jürüm bolmak, ýitirim bolmak, ýok bolmak. **2.** Azaşyp başga ýere düşmek, azaşmak. *Men ýiten düýämizi gözläp geldim.* **3.** Görünmez ýaly bolmak, bozulmak, öçmek. *Köp wagt geçmegi bilen, ýazylan hatlar kagyzyň ýüzünden ýitip gidipdir.* **4.** Ýoga çykmak, puç bolmak.

**ÝITMEKLIK,** *iş ady.* Ýitmek ýagdaýy. *Toý boljak bolup durka, iş köpkä, beýle gara bermän ýitmeklik bormy?*

**ÝITMEZLIK,** *iş ady.*Ýitmän durmak, ýörmek.

**ÝODA** [ýo:do], *at.* Kiçijik pyýada ýoly. *Ýoda yzlasaň, ýola barar, ýoly yzlasaň – ile* (Nakyl).

**ÝOGALMA** [ýo:ğolmo], *iş ady.* Ýogalmak ýagdaýy. *Kakasynyň ýogalmasy ýetginjege agyr degdi.*

**ÝOGALMAK** [ýo:ğolmok], *işl.* Aradan çykmak, wepat bolmak, ölmek, aýrylmak, dünýeden gaýtmak. *Ejeň ýogalanda, sen ýaşyňa ýa ýetensiň, ýa-da ýeten dälsiň* (B. Kerbabaýew).

**ÝOGALMAKLYK** [ýo:ğolmokluk], *iş ady.* Ýogalmak ýagdaýy.

**ÝOGALMAZLYK** [ýo:ğolmozluk], *iş ady.* Ölmän galmak, ýaşamaklyk, bar bolmaklyk. *Onuň ýogalmandygyny eşidip begendik.*

**ÝOGLA** [ýoğlo], *at.* Deňizde asuda howa. *Görýäňmi, bu bulut ýöne bulut däl, ynam ýokdur, howa bolsa-da ýogla* (Ş. Borjakow).

**ÝOGNAMA** [ýoğnomo], *iş ady.* Ýognamak ýagdaýy. *Birneme ýognamasy oňa gelşik beripdir.*

**ÝOGNAMAK** [ýoğnomok], *işl.* **1.** Ýogyn bolmak, düýbi, göwrümi ulalmak. **2.** Semräp, ýogyn bolmak, doluşmak, semremek. *Sen öňkiňden biraz ýognapsyň.*

**ÝOGNAMAKLYK** [ýoğnomokluk], *iş ady.* Ýognamak ýagdaýy. *Biraz ýognamaklyk oňa zyýan berjek däldi.*

**ÝOGNAMAZLYK** [ýoğnomozluk], *iş ady.* Ýognaman durmak.

**ÝOGNAS** [ýoğnos], *syp.* **1.** Birneme ýogyn, ýogynrak. *Ýognas pürs.* **2.** Dolmuş, semiz, etli-ganly. *Ýognas adam.* **3.** Ýogynrak, gödek çykýan (ses hakynda). *Şol wagt gapynyň daş ýüzünde biriniň ýognas sesi eşidildi* (B. Pürliýew). **4.** Doly ýogyn dälde, çalarak ýogyn (suw hakynda). *Içim suwy ýognasdy, özem uzakdan getirilýärdi* ("Edebiýat we sungat"). **5.** Irimçik dokalan, nepis däl. *Ýognas dokalan haly.*

**ÝOGNASLYK** [ýoğnosluk], *at.* **1.** Birneme ýogynlyk, ýognas halda bolmaklyk. **2.** Dolmuşlyk, semizlik, etli-ganlylyk. *Ýognaslyk ýaş adama gelişmeýär.*

**ÝOGNASRAK** [ýoğnosura:k], *syp.* Öňküsine ýa-da beýlekilere garanda birneme ýognas. *Ýognasrak bir adam gapydan içerik ätledi.*

**ÝOGNAS-ÝOGNAS** [ýoğnos-ýoğnos], *syp.* Köpüsi, hemmesi ýognas. *Ýognas-ýognas pyýadalar gelip, howla girdiler.*

**ÝOGNAŞMAK** [ýoğnoşmok], *işl.* **1.** Kem-kemden ýognamak (birnäçe adam hakynda). *Öňki gören inçesagt ýigitlerimiz ýognaşyp gidipdir*. **2.** Ýognas bolup başlamak (ses hakynda). *Ýigdekçäniň sesi ýognaşypdyr.* **3.** Öňküsinden ýogyn bolmak, kem-kemden ýognamak. *Şahalary ýognaşyp başlan ýaş çynar owadandy, buýsançlydy.*

**ÝOGNATMAK** [ýoğnotmok], *işl.* Ýogyn etmek.

**ÝOGSA** [ýoğso], *bagl.* Garşylygy we şerti görkezýän söz. *Bilseň, nesihatdyr, ýogsa, pesihat* (Magtymguly).

**ÝOGSAM** [ýoğsom/ýoğsa:m], *bagl., ser.***Ýogsa**. *Bir keçe ýazaýaly, ýogsam otuň üsti çygdyr.*

**ÝOGURT** [ýoğurt], *at.* Sygryň, dowaryň süýdüne gönezlik atylyp, uýadylyp alynýan önüm, gatyk. *Ýogurt içseň, ýoky galar* (Nakyl).

**ÝOGYN** [ýoğuýn], *syp.***1.** Göwrümi, möçberi taýdan adatdakydan ýokary, artyk, inçe däl. *Ýogyn saçly gyz.* **2.** *gepl.d.* Etli-ganly, semiz, çişik, dolmuş. *Ýogyn pyýada.* **3.** Zorruk we ýognas çykýan, gödek (ses hakynda). *Ýogyn gödek sesini basybrak, myhmanyna ýüzlendi* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýogyn çekimliler** *dil b.* yzky hatarda hasyl bolýan çekimliler (a, o, u, y).

**ÝOGYNLY-INÇELI** [ýoğuýnl(y)-i:nçeli], *syp.* **1.** Arasynda hem ýogyny, hem inçesi bar bolan, ýogyn we inçe gatyşykly; her dürli. *Gurluşyk üçin ýogynly-inçeli agaçlar taýýarlandy.* **2.** Kä ýogyn, kä inçe; hem ýogyn, hem inçe; belentli-pesli (ses hakynda).

**ÝOGYNLYK** [ýoğuýnluk], *syp.* **1.** Göwrümi uly bolmaklyk, inçe dällik, ýogyn bolmaklyk. *Munuň daşynda bilek ýogynlygynda bir turba bar, nebit şonuň içinden akýar* (B. Kerbabaýew). **2.** Göwrümlilik derejesi. *Şu çynaryň ýogynlygy näçeräk bardyr?* **3.** Etli-ganlylyk, semizlik, çişiklik, dolmuşlyk. *Aram ýogynlygyndaky adam içerik girdi.*

◊ **Ýogynlyk sazlaşygy** *dil b.* sözdäki çekimli sesleriň ýogynlyk taýdan sazlaşygy.

**ÝOGYNRAK** [ýoğuýnura:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilerden birneme ýogyn.

**ÝOGYN-ÝOGYN** [ýoğuýn-ýoğuýn], *syp.* **1.** Birsydyrgyn ýogyn. *Ýogyn-ýogyn gägirmek.* **2.** Hemmesi ýogyn. *Ýogyn-ýogyn pürsler.*

**ÝOK,** *at.* Bir zatdan ýokup galan, degen çyrşak, hapa. *Gaplary ýuwanyňda nahar ýokuny gowuja aýyrgyn.*

◊ **Ýok bolmazlyk** örän az bolmak; doýurmazlyk (nahar hakynda). *Onuň ýaly bolsa, sen hem kömek eden ekeniň, ýöne ikimiz iýjek bolsak, bize ýokam bolmaz* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝOK** [ýo:k], **1.** *ugrukd s.* Bir zat inkär edilende, biriniň ýa-da bir zadyň ýoklugy aňladylanda aýdylýar. *Çyn ýagşynyň gahary bar, ýamany ýok* (Nakyl). **2.** Ýok zat, bolmadyk zat. *Baryna kanagat, ýoguna – sabyr* (Nakyl).

◊ **Ýoga çykarmak** ýok etmek, puja çykarmak, bar bolan zatdan dyndarmak. *Wiý, sen-ä bar edilen işi ýoga çykardyň oturyberdiň!* **Ýoguna ýanmak (köýmek) 1)** bir zady ýok etmek, ýitirim etmek, soňuna çykmak. *Olar mende gural goýmadylar, hemmesiniň ýoguna ýandylar.* **2)** öldürmek, başyna ýetmek. **Ýoguny çekmek** ýok bolup gitmek, ýitirim bolmak. *Ol ýaňy hem bardy-la, nirä ýoguny çekdikä?* **Ýogy çekilmek** ýok edilmek, ýoguna ýanylmak. *Sen gazan çukuryňa özüň düşensiň, indi bu dünýäden ýoguň-a çekildi* ("Türkmen halk ertekileri"). **Ýok bolmak 1)** başyňy alyp gitmek, güm bolup gitmek, owarra bolmak, garaňy görkezmezlik. *Agaýunus peri bular bilen görüşmek isledi, emma olar Agaýunus bilen görüşmän, gaýra çekilip: – Sen bu jaýlara saýaňy salmagyn, yzyň ýitmänkä, ýok boluber – diýdiler* ("Görogly"). **2)** arany açmak, uzaklaşmak. *Ol atyna bir gamçy basdy-da, ýok bolaýdy.* **Ýokdan bar etmek** ýeter-ýetmez günde gerekli zatlary tapmak, tapyp oňňut etmek. *Ene urşuň haýhatly günlerinde hem ýokdan bar edip, atasyz galan çagajyklaryny hor etmän saklapdy.* **Ýok etmek 1)** ýitirim etmek, güm etmek, ýoklamak. *Sen kitaby nirä ýok etdiň?* **2)** kemçiligiň, ýetmezçiligiň soňuna çykmak, olary düzetmek. *Şu görkezilen kemçilikleri tiz ýok ediň.***3)** derbi-dagyn etmek, çym-pytrak etmek. **4)** tüketmek, sowup, harçlap gutarmak (pul hakynda). **Ýok ýaly** bary-ýogy bildirmeýän, tertipli hem ýuwaş. – *Pylankesiň ogly ýaly bolup bolaýsa, edil ýok ýalydyr, azary-bizary bolmaz.*

**ÝOKANÇ** [ýokonç], *syp.* Ýokuşmak häsiýeti bolan (kesel hakynda). *Ýokanç keselleriň garşysyna göreşmek.*

**ÝOKANÇSYZ** [ýokonuşsuz], *syp.* Ýokuşmaýan, ýokanç däl (kesel hakynda). *Ýokançsyz kesel.*

**ÝOKANJRAK** [ýokonjura:k], *syp.* Birneme ýokanç häsiýetli. *Ýokanjrak kesel.*

**ÝOKARDA** [ýokordo], **1.** Beýleki bir zada garanda belentde, beýiklikde. *Ýokarda ýerleşmek.* **2.** *göç.m.* Öňde, ilki başda (ýatlanylan, bellenilen, aýdylan we ş.m.). *Ýokarda bellenilişi ýaly, borçnamamyzyň ýerine ýetmegi üçin mümkinçilikler köp.* **3.** Gündogar tarapda, ýokary tarapda, günüň ýokary galýan ýerinde. *Garyndaşlarymyzyň köpüsi ýokarda ýaşaýar.* **4.** Ýokary döwlet edarasynda. *Ol ýokarda işleýär.*

**ÝOKARDAKY** [ýokorda:ky], *at.gep.l.* Alla, hudaý, taňry. *Ýokardakyň özi gorasyn!*

**ÝOKARKY** [ýokorky] *syp.* **1.** Belentdäki, beýikdäki, iň ýokardaky. *Iň ýokarky şaha eli ýetdi* (H. Derýaýew). **2.** Gündogar tarapdaky, ýokary tarapda ýerleşen. *Welmyrat batyryň gelenini görüp, aksakgallar ýokarky derwezä ýygnandylar* (A. Gowşudow). **3.** Garamagynda birnäçe edara bolan esasy ýolbaşçy (gurama). *Ýokarky guramalar bu meseläni hä diýmän çözdüler.* **4.** *at, göç.m.* Alla, hudaý. *Muny bir ýokarky biler.*

**ÝOKARLAMA** [ýokorlomo], *iş ady.* Ýokarlamak ýagdaýy. *Akyl zähmetiniň arzysynyň ýokarlamasy.*

**ÝOKARLAMAK** [ýokorlomok], *işl.* **1.** Ýokary çykmak, belende galmak. *Uçar barha ýokarlandy.* **2.** Bahasy galmak, gymmatlamak, artmak. *Maşynyň nyrhy ýokarlapdyr.*

**ÝOKARLAMAKLYK** [ýokorlomokluk], *iş ady.* Ýokarlamak ýagdaýy.

**ÝOKARLANDYRMAK** [ýokorlonnurmok], *işl.* **1.** Ýokary galdyrmak, belende çykarmak. *Uçarman uçary ýokarlandyrdy.* **2**. Tizligini artdyrmak, galdyrmak, çaltlandyrmak. *Tizligini ýokarlandyrmak.* **3.** Bahasyny galdyrmak, gymmatlatmak. **4.** Möçberini artdyrmak, köpeltmek. *Gowaçanyň hasyllylygyny ýokarlan-dyrmak ugrunda işläliň.*

**ÝOKARLANMAK** [ýokorlonmok], *işl.* **1.** Barha ýokary galmak, beýgelmek, barha asmana göterilmek. *Uçar barha ýokarlanýar.* **2.** Öňki derejesinden artyp başlamak, ýokary galmak. *Üzümiň hasyllylygy-da ýylyň-ýylyna ýokarlanýar.* **3.** Gymmatlamak, nyrhy ýokary galmak. *Gawunyň nyrhy ýokarlandy.* **4.** Gowulanmak, oňatlaşmak. *Daýhanlaryň hal ýagdaýy gün-günden ýokarlanýar.*

**ÝOKARLAŞMAK** [ýokorloşmok], *işl.* Birneme ýokary galmak. *Hil taýdan ýokarlaşmak.*

**ÝOKARLATMAK** [ýokorlotmok], *işl.* Ýokary galdyrmak, ýokary götermek. *Oglan batböregi gitdigiçe ýokarladýar. Dükançy gandyň nyrhyny ýokarladypdyr.*

**ÝOKARLYGYNA** [ýokorluğno], *hal.* Ýokaryk, ýokary tarapa. *Agaçlaryň arasy bilen ýempikläp, ýokarlygyna bakan ýöredi* (G. Kulyýew).

**ÝOKARY** [ýokory], *at.* **1**. Ýer bilen asmanaralygyndaky giňişlik, ýerden asmana tarap bolan ugur. *Ejem howanyň ýagdaýynyň bozulýanyny görüp, ýokary seretdi.* **2**. Aşakdan ýokarlygyna, ýokaryk. *Sen ýokary uçanymyzdan soň, meniň arkamdan süýşüp, ýykylyp ýörme* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. Artyk, köp. *Daşary ýurtlarda türkmen nebitine we gazyna isleg ýokarydyr* ("Watan"). **4**. Gowy, göreldeli, artyk. *Ýokary netije gazanan gallaçylar az däl* ("Türkmenistan"). **5**. Gymmatly, möhüm, belent. **6**. Günüň dogýan tarapy, gündogar (garşylykly sözi: *aşak*). *Obanyň ýokary çeti.* **7**. Belent, inçe äheňli (ses hakynda). *Juma bu sapar şahyryň başga bir goşgusyny bir perde ýokary galyp, has joşup gygyrdy* (G. Kulyýew). **8**. Güýçli, batly. *Kädiniň gögerijiligi ýokary.* **9**. Derejesi boýunça ähmiýetli, uly. **10**. Iň gowy, iň oňat, has ýagşy, has gowy. *Ýokary hilli haryt.* **11**. *gepl.d.* Ýokarda durýan döwlet edarasy. *Mekdebimize ýokardan adam gelipdir.* **12**. Bilim ulgamynda ýörite orta bilimden soňky (basgançak). *Okuwymyzy dowam etdirdik,*

*ýokary bilim aldyk* ("Edebiýat we sungat"). **13**. Öýüň töri, tör. *–Ýokary geçip oturjak däl – diýip, iç işikde aýak üstünde oturdy-da, aman-esenlik soraşdy* (A. Gowşudow). **14**. Her bir zadyň ýokary tarapy, üsti. *Jöwenlikleriň ýokarsynda entek serçe sürüleri güsürdeşip uçýardy.*

◊ **Ýokary basyş 1)** *lukmanç.* gan basyşynyň ýokarlanmasy. **2)** howa basyşyndan ýokary bolan basyş. **Ýokary göteriliş** möwç alyş, ýaýbaňlanyş, ösüş, kuwwaty, depgini artyş. *Zähmetde täzeden ýokary göteriliş başlandy.*

**ÝOKARYK** [ýokary:k], *hal.***1**. Ýokarlygyna, ýokary tarapa, asmana tarap. *Ol aşak seretdi, ýokaryk garady, mugallym bilen ikisi bileleşip gözledi* (B. Kerbabaýew). **2**. Gündogara, günüň dogýan tarapyna. *Bular aşak tarapa barýan ýaly-la, biz ýokaryk gitmeli dälmi?* (B. Hudaýnazarow).

**ÝOKARYLY** [ýokorly], *syp*., *gepl.d.* Türkmenistanyň gündogar sebitleriniň ýaşaýjysy.

**ÝOKDURMA** [ýokdurmo], *iş ady.* Ýokdurmak ýagdaýy.

**ÝOKDURMAK** [ýokdurmok], *işl.* **1.** Kir-kimir degirmek, tegmil galdyrmak. *Iki sany aýal göz monjugy ýalyjak çagalary terbiýeläp, ýüz-gözlerine kir ýokdurman ýörler* (A. Durdyýew). **2.** Iniňe siňdirmek. *Onuň iýenini ýokduranok* (B. Kerbabaýew). **3.** Birinden beýlekä geçirmek, keselletmek. *Siz öz ýokanç keseliňizi olara-da ýokdurýarsyňyz* (B. Pürliýew).

**ÝOKDURMAKLYK** [ýokdurmokluk], *iş ady.* Ýokdurmak ýagdaýy.

**ÝOKDURMAZLYK** [ýokdurmozluk|, *iş ady.* Ýokdurman durmak, ýörmek; hözirini görkezmezlik. *Alan köýnegiňe kir ýokdurmazlyk.*

**ÝOKLAMA** [ýo:klomo], *iş ady.* Ýoklamak ýagdaýy.

**ÝOKLAMAK** [ýo:klomok], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady ýat etmek, ýadyňa düşürmek; ýatlamak, küýsemek. *Ýanymdan aýrylsa, ogluň ýoklar meni* ("Saýatly – Hemra"). **2**. Ýok etmek, güm etmek. *– Meniň düýäm barmy ýa-da ogrular ýokladylarmy? – diýip, palçydan soraýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. Sarp etmek,sowmak, harçlamak. *Düýnki giden puly sen eýýäm, näme, ýoklap ýetişdiňmi?* **4.** *göç.m.* Ýoguna ýanmak, öldürmek. *Iň soňunda ony ýoklamak küýüne düşüpdiler* ("Myraly"). **5**. Ýokdugyny ýüze çykarmak. *Çopan iki goýnuny ýoklady.*

**ÝOKLAMAKLYK** [ýo:klomokluk], *iş ady.* Ýoklamak ýagdaýy.

**ÝOKLANMAK** [ýo:klonmok], *işl.* **1.** Ýat edilmek, ýatlanmak, ýada düşürilmek, küýselmek. *Toýda ýoklanyp, ýasda ýatlanýan adamlar iliň diýýän adamlarydyr.* **2.** Harç edilmek, bolar-bolmaz sowulmak, bisarpa harçlanmak. *Ýoklanan pullaryň öwezi dolduryldy.* **3.** Ýokdugy ýüze çykarylmak. *Bir goç, bir urkaçy tokly ýoklandy.*

**ÝOKLATMAK** [ýo:klotmok], *işl.* **1.** Ýok etdirmek, pugta gizlemek. *Ol düýeleri derrew ýoklatdy.* **2.** *göç.m.* Ýok etdirmek, öldürtmek. **3.** Ýokdugyny ýüze çykartmak, ýokdugy bildirmek. *Süriniň öňüni çeken erkeç özüni tiz ýoklatdy.*

**ÝOKLAÝYŞ** [ýo:kloýuş], *iş ady.* Ýoklamak ýagdaýy.

**ÝOKLUK** [ýo:kluk], *at.* Biriniň ýanynda ýa-da bir ýerde ýok bolmaklyk, bar bolmazlyk, başga ýerde bolmaklyk. *Ýolbarsyň ýoklugy Durdy agany has-da kösendirdi* (J. Akyýew).

◊ **Ýokluk çalyşma** *dil b.*"hiç kim, hiç zat, hiç hili, hiç bir" sözlerinden emele gelýän çalyşmalar. **Ýokluk galyp** *dil b.* söz toparlarynyň belli bir goşulmalar, sözler (*-ma, -me, -syz, -siz, ýok, däl*) arkaly ýokluk aňladýan şekili.

**ÝOKMA** [ýokmo], *iş ady.* Ýokmak ýagdaýy. *Şu hekiň geýime ýokmasy bar.*

**ÝOKMAK** [ýokmok], *işl.* **1.** Kir-kimir degmek, kir, hapa ýokuşmak, tegmil galmak. *Gazana ýanaşsaň, garasy ýokar, ýamana ýanaşsaň – belasy* (Nakyl). **2.** Iniňe siňmek, ýokumy bolmak; ýaramak. *Miwe suwy maňa ýokýar.* **3.** Birinden beýlekä geçmek, ýokuşmak (kesel hakynda). *Gotur elden ýokar, bela – dilden* (Nakyl). **4.** Täsir etmek, sözüň ötmek, maslahatyň ýer tutmak. *It gargyşy gurda ýokmaz* (Nakyl).

**ÝOKMAKLYK** [ýokmokluk], *iş ady.* Ýokmak ýagdaýy.

**ÝOKNA** [ýokno], *at.* Terbiýe, edep-ekram; batnyk. *Adamyň özünde ýokna bolmasa, diýip-aýdyp adam edip bolmaz.*

**ÝOKNASYZ** [ýoknosuz], **1.** Gep-söz ýokmaýan, öwüt-nesihat almaýan, buýrup bolmaýan, terbiýesiz, batnyksyz. *Ýoknasyz adam.* **2.** Bet, ýaramaz, görüm-göreldesiz, edepsiz. *Özüniň ýoknasyz häsiýetleri bilen mekdebiň diwar gazetine hem düşdi* (A. Gowşudow). **3.** *göç.m.* Ýaramsyz, ýakymsyz. *Göwnüňe bolmasa, güýzüň ýoknasyzja çigregi-de gowşaşan ýaly boldy* ("Edebiýat we sungat"). **4.** Ýakymsyz, erbet, batnyksyz. *Bolýandyr dünýäde her zadyň çeni, Ýoknasyz sözleriň irizdi meni* (A. Kekilow).

**ÝOKNASYZLYK** [ýoknosuzluk], *at.*Ýoknasyz häsiýetli bolmaklyk, ýoknasyz bolmaklyk. *Onuň ýoknasyzlygy hemmeleriň lapyny keç etdi.Belkem, ony ýoknasyzlyk edip, ýürege düşgünç uwlanlygy üçin, eýesi awundyrandyr* ("Edebiýat we sungat").

**ÝOKNASYZRAK** [ýoknosuzura:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilerden birneme ýoknasyz. *Ýaşuly: "Oglunyň ýoknasyzrak häsiýeti bar" diýip, gönüsinden geldi.*

**ÝOKSUL** [ýo:ksul], *at.* Garyp, mätäç, barly bolmadyk, garyp-gasar.

**ÝOKSULLYK** [ýo:ksulluk], *at.* Ýoksul bolmaklyk, barly dällik, ýoksulyň hal-ýagdaýy. *Ýoksullyk gurasyn.*

**ÝOKSURATMAK** [ýo:ksurotmok], *işl.* Bir zadyň, biriniň ýokdugy bildirmek, duýdurmak. *Aramyzda gyzyl-gyran gülüşdirip oturan dostumyz barka başga kişini ýoksuradan däldir.*

**ÝOKSURATMAZLYK** [ýo:ksurotmozluk], *iş ady.* Bir zadyň, biriniň ýokdugyny bildirmezlik,

duýdurmazlyk. *Düýäniň çal-agarany bilen mele-myssyk çörek tapdyrsa, başga zady ýoksuratmaz.*

**ÝOKUM,***at.* Iýilýän iýmitleriň jana berýän peýdasy. *Üzümiň ýokumy köp.*

**ÝOKUMLY,***syp.* Bedene ýaramly, gurp berýän, ýokýan. *Aslynda, gawun ýaly adama ýokumly iýmiş bolmaz* (A. Gowşudow).

**ÝOKUMLYLYK** [ýokumlulukl, *at.* Ýokumy barlyk, ýokumly bolmaklyk.

**ÝOKUMLYRAK** [ýokumlura:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilerden birneme ýokumly. *Daýaw boljak bolsaň, ýokumlyrak iýmitleri köp iýmeli.*

**ÝOKUMSYZ** [ýokumsuz], *syp.* Bedene ýaramsyz, gurp bermeýän, ýokumy bolmadyk.

**ÝOKUMSYZLYK** [ýokumsuzluk], *at.* Ýokumy ýokluk.

**ÝOKUMSYZRAK** [ýokumsuzura:k], *syp.* Birneme ýokumsyz.

**ÝOKUNDY** [ýokunny], *at.* Ýokup galan zat, ujypsyz galyndy. *Haltanyň düýbünde çalaja un ýokundysy bardy* (B. Seýtäkow).

**ÝOKUŞ: ýokuş degmek** *ser.* **Ýokuş görmek.** *Çyn goçaklar öz-özünden eder joş, Kärsiz äre ýokuş deger zerre iş* (Zelili). **Ýokuş görmek** gaty görmek, göwnüňe ýaramazlyk, namys bilmek; kyn görmek. *Patyşa bularyň gudaçylyga gelmegini ýokuş gördi* ("Görogly"). **Ýokuş söz** erbet söz, göwne degýän söz.

**ÝOKUŞDYRMAK** [ýokuşdurmok], *işl., ser.* **Ýokdurmak.**

**ÝOKUŞMAK** [ýokuşmok], *işl.* **1.** Birinden beýlekisine geçmek, ýokmak, degmek (kesel hakynda). **2.** *göç.m.* Geçmek, täsir etmek. *Bu ýagdaý meniň aýalyma-da ýokuşdy* (R. Allanazarow).

**ÝOL** [ýo:l], *at.* **1**. Ýöremek, gatnaw üçin hyzmat edýän ýer zolagy. *Ýol gadyryn ýortan biler, ýaý gadyryn – dartan* (Nakyl). *Türkmenistanyň hereket edýän we gurulýan demir ýollary öz ýurdumyzda taýýarlanýan pürsler bilen üpjün ediler* ("Türkmenistan"). **2**. Syýahat, sapar, ýolagçylyk bilen bir ýere ugraýyş. *Ýola çyksaň, ýoldaşyňy düzet* (Nakyl). **3**. *göç.m.* Belli bir usul, tär. **4**. *göç.m.* Çäre, çykalga, alaç, ugur. *Ussa bilen, ynha akyllaşyp göreris weli, bir ýol tapylar durubir* (H. Garabaýew). **5.** *göç.m.* Bir maksada gönükdirilen ýörelge.

◊ **Ýola atarmak***ser.* **Ýola salmak.** *Oljasy Ballynyň göwnün göterdi, Atlylaryň baryn ýola atardy* (A. Köpekmergen). **Ýol açmak** bir işi etmäge, durmuşa geçirmäge mümkinçilik döretmek, baryş-geliş, gatnaşyk edip başlamak.*Tanyşlyk wagtynda iki obadaş, Ýol açdy bolmaga ömürlik ýoldaş* (A. Kekilow). **Ýol almazlyk** ýer almazlyk, başa barmazlyk, biderek bolmak. *Atabaýyň öz ömründe birinji gezek Akmaýany tabyn etmek islegi ýol almady* (B. Kerbabaýew). **Ýola düşmek** gidişi, barşy düzgünleşmek, kadalaşmak. *Işler ýola düşdi.* **Ýola getirmek** tertipli-düzgünli bolmagyny gazanmak, düzgüne boýun etmek. *Taýak bir dälini ýola getirmiş*(Magtymguly). **Ýola goýmak** tertip-düzgüne salmak, ugrukdyrmak, gönükdirmek, düzetmek, düzgünleşdirmek. **Ýola salmak 1)** *ser.* **Ýola goýmak.***Sen bu işi ýola sal.* **2)** ugratmak, ugradyp goýbermek, ýola atarmak. *Ol şol mahal hat-petek işi bolup, gelenleriň işlerini düzedip, ýola salmak üçin eglendi.* **Ýol bermek** mümkinçilik döretmek, böwet bolmazlyk, garşylyk görkezmezlik, päsgel bermezlik. **Ýol bolsun** gidip-geljek, barjak ýeriňde, ýolda-yzda işiň rowaç bolsun. *Agaýunus bulara ýol bolsun aýdyp, ak pata berip ugratdy* ("Görogly"). **Ýol çalmak** yz çalmak, yzarlamak. *Şumroý kempir eger ýol çalan adam bolsa, özüni tapsyn diýip, otyrýeri bilen süýşüp, yz edip gitdi* ("Görogly"). **Ýoldan azaşmak** ters ýola düşmek, nädogry hereket edip başlamak, durmuşyň, ýaşaýşyň düzgüninden çykmak. **Ýoldan çykmak 1)** sandan çykmak, azmak, bozulmak, başyna gitmek. **2)** biwepalyk etmek, aýagyňy dürs basmazlyk, ahlak taýdan bozulmak. **Ýol görkeziji** etmeli işleri ugrukdyryjy, ýolbaşçylyk ediji. *Ýol görkeziji belgiler.* **Ýol görkezmek** maslahat bermek, akyl bermek, ugrukdyrmak, öwretmek, salgy bermek. **Ýol gözlemek** çykalga, ugur agtarmak, çykalga gözlemek, tärini, ýoluny tapjak bolmak. *Ol çykalgasyz ýagdaýdan çykmak üçin ýol görkezdi.* **Ýol kesmek 1)** uzak ýolda ýadamaz ýaly, ýoluň gysgalan ýaly bolmagy üçin söhbet açmak, ondan-mundan gürrüň edip başlamak. *Hudaý berse, ap-aňsatdyr diýip, Ogusoltan eje tä öýüne barýança ýol kesdi* (R. Allanazarow). **2)** *ser.* **Ýol urmak. Ýol külterlemek** tizlik bilen ýol geçmek, ýol almak, ýol sökmek. *Ulag ýoly külterläp gidip oturandyr.* **Ýol salmak 1)** uçramak, sezewar bolmak, başyna düşmek. *Uruş başlanaly bäri, ençeme öýüň üstünden ölüm habary ýol salypdy.* **2)** köp gatnap ýol etmek, gidip-gelip durmak, bir ýere köp gatnamak, gatnaw etmek. *Onsoň ol özüniň tanalmaýan ýerine ýol saldy* (A. Gowşudow). **Ýol sökmek** köp ýöremek, ýöräp köp ýol geçmek. **Ýol tapmak** ugur, çykalga tapmak, tärini, ebeteýini gözlemek. **Ýoluna düşmek** bir zadyň ugruna çykmak, bir zadyň ugrunda hereket etmek, bir zadyň küýüne, kül-külüne düşmek. *Annaguly şony bilmegiň ýoluna düşdi* (A. Durdyýew). **Ýoluna seretmek** biriniň gelerine garaşmak, seredip durmak, intizar bolmak. *Tä gün batyp, garaňky düşýänçä, oglunyň ýoluna seretdi.* **Ýoluny kesmek** gidere ugur, barara ýer goýmazlyk, dalda gözlemez ýaly etmek. **Ýoluň açyk bolsun!***ser.* **Ýoluň ak bolsun. Ýoluň ak bolsun!** ugran ugruňda işiň şow alsyn, päsgelçilige duş gelme! *Ýoluň ak bolsun, ýoldaşyň – hak* (Dileg). **Ýoluň düşmek** ýörite däl-de, ýüzüň ugruna degmek, bir söý bilen üstünden barmak. *Ýoluň düşen wagty bize-de baryp dur!* **Ýoluňy düzetmek** dogry ýola düşmek, ile goşulmak, hakyky ugur, durmuşyň düzgüni bilen gitmek. **Ýoluňy urdurmak** bozulmak, azmak, ýoldan azaşmak, ters ýola düşmek. **Ýol urmak** garakçylyk etmek, geleni-geçeni talamak, soýmak. **Ýoly köp** ugurtapyjy, mekir, hilegär.

**ÝOLA** [ýo:lo], *at.* Gezek, gaýta, sapar. *Ýaşuly bir-iki ýola ardynjyrady.*

**ÝOLAGÇY** [ýo:loğçy], *at.* Ulagly ýa-da ulagsyz bir ýere ugran, ýola düşen, gidip barýan adam. *Ýolagçy ýolda ýagşy* (Nakyl).

**ÝOLAGÇYLYK** [ýo:loğçuluk], *at.* Ýolagçynyň ýagdaýy, ýolagçy bolmaklyk. *Bu uzak ýolagçylyk oglanlary biri-birine has ýakynlaşdyrýar.*

**ÝOLAÝRYT** [ýo:laýryt], *at.* Ýoluň aýrylýan ýeri, ýoluň dürli tarapa bölünýän ýeri. *Hol ýolaýyrtda irden tapyşýardyk biz* (R. Seýidow).

**ÝOLBARS** [ýolvors], *at.* **1.** Göwresi uly, berdaşly aýakly, sarymtyl tüýli ýyrtyjy haýwan; şir, peleň. *Bir bar eken, bir ýok eken, öň zamanlarda bir ýolbars bar eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **2.** Oglana dakylýan at.

**ÝOLBAŞÇYLYK** [ýo:lvaşşylyk], *at.* **1.** Ýolbaşçynyň wezipesi, ýagdaýy. *Oňa uly kärhanaýolbaşçylyk etmek ynanyldy.* **2.** Kärhana ýa-da edara işlerini dolandyrýan guramalar. *Gowy işleýänlere ýolbaşçylyk tarapyndan sag bolsun aýdyldy.*

**ÝOLBELET** [ýo:lvelet] Ýolagçylar otlusynda wagonyň içiniň düzgün-tertibine gözegçilik edýän demir ýol gullukçysy.

**ÝOLBOÝY** [ýo:lvoýy], *hal.* Ýoluň bütin dowamynda, bir ýerden ikinji ýere barylýança, tükeniksiz, üznüksiz. *Ol rowaýaty ýol boýy gürrüň berip geldi.*

**ÝOLÇY** [ýo:lçy], *at.* **1**. Bir ýere ugramakçy bolup, ýola çykan. *Anka aýdar: "Ýolçyýam", Hüt-hüt aýdar: "Ilçiýem"* (Magtymguly). **2**. Ýol gurluşygynyň hünärmeni; ýol gurluşygynda işleýän işçi. *Ýolçular köçäniň zaýalanan ýerini derrew bejerdiler.* **3**. Demir ýoluň ugruny syryp, ýoly barlaýan demirýolçy. *Ol Duşaga gidýän ýolda ýolçy bolup işleýär* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýolçy mal** hemişe gatnaýan ýoluny tapýan mal.

**ÝOLDAŞ** [ýolloş], *at.* **1.** Bir ugur bilen bile barýan, ýollary bir bolan ýolagçy, hemra. *Ýola çyksaň, ýoldaşyňy düzet* (Atalar sözi). **2**. Özüniň garaýşy, pikiri, işi, durmuş şertleri we ş.m. boýunça biri bilen umumylygy, ýakynlygy bar bolan adam. *Ýürekdeş ýoldaş bilen göwün açyşmakdan gowy zat barmy näme?* (B. Kerbabaýew). **3.** Çaga bolanda, çaganyň yz ýany bilen düşýän jansyz bir bölek agza, düşgi. **4.** Aýalyň äri, adamsy (bu söz, köplenç, aýallar tarapyndan ulanylýar ); ýanýoldaş. *Ýoldaşym ikimiz mekdepde işleýäris.* **5.** *göç.m.* Bir ýere ugralanda sag-aman barmak üçin yrym edilip ýanyň bilen alynýan çörek we ş.m. mukaddes zatlar. *Ýoldaş bolar ýaly ýanyňa bir döwüm çörek al.* **6.** Oglana dakylýan at.

◊ **Ak gyz ýoldaşyň bolsun!** öýlenmedik ýigide aýdylýan taňryýalkasyn, dileg.

**ÝOLDAŞ** [ýo:lloş], *syp.* Bir ýoldan bile barýan adam. *Ýol ýoldaşy ýoldaşyna söýener* (Magtymguly).

**ÝOLDAŞLY** [ýolloşly], *syp.***1.** Ýany adamly, hemraly, bile tirkeşýän adamly. *Eger onuň ýany ýoldaşly bolaýsa, onda gije hem oňa zat edip biljek däl* (A. Gowşudow). **2.** Dürli ynançlara görä, halatly, gudratly.

**ÝOLDAŞLYK** [ýolloşluk], *at.* **1.** Ýoldaş bolmaklyk ýagdaýy, ýoldaşlarça aragatnaşyk, biri-biriňe edilýän ýakyn gatnaşyk. *Ýoldaşlykda, adamkärçilikde onuň taýy ýokdur.* **2.** *göç.m.* Resmi ýaryşlardan daşgary geçirilýän, ýaryş hasabyna girmeýän, türgenleşmek üçin geçirilýän (dürli oýunlar hakynda). *Küştçüleriň ýoldaşlyk duşuşygy.*

**ÝOLDURMAK** [ýollurmok], *işl.* **1.** Ýolmak işini başga birine etdirmek. **2.** *gepl.d.* Aldyrmak, gidermek, ogurlatmak (köplenç, öňünden *aldyrmak* işligi getirilip ulanylýar). *Aldyran, ýolduran zadym ýok, sag-aman geldim.*

**ÝOLGUÇ** [ýolğuç], *at.* Sakgal-murt ýolmak üçin ulanylýan agzy ýasyja esbap, müçenek. *Aýnadyr ýolgujy alyp, sakgalynyň kese eteklerini ýolmaga oturdy* (A. Durdyýew).

**ÝOLHATY** [ýo:lhaty], *at.* Ugry, ýerine ýetirmeli iş görkezilip, sürüjä edarasy tarapyndan berilýän resmi kagyz.

**ÝOLKA** [ýo:lko], *at.* **1.** Sowuga çydamly, gyşyn-ýazyn gök öwsüp oturan arça meňzeşräk pürli agaç. **2.** Täze ýyl baýramçylygynda şol agajyň her hili oýnawaçlar, jäjekler bilen bezelen görnüşi. *Çagajyklar el tutuşyp, bezelen ýolkanyň daşynda aýlanýardylar.*

**ÝOLLAMA** [ýo:llomo], **1.** *iş ady.* Ýollamak ýagdaýy. **2.** Belli bir ýere, dynç almaga, işe we ş.m. iberilýän adama berilýän resmi kagyz.

**ÝOLLAMAK** [ýo:llomok], *işl.* Birini ýa-da bir zady bir ýere ibermek, ugratmak.

**ÝOLLAMAKLYK** [ýo:llomokluk], *iş ady.*Ýollamak ýagdaýy.

**ÝOLLAMAZLYK** [ýo:llomozluk], *iş ady.* Ýollamakdan saklanmak, ibermän saklamak, ugratmazlyk.

**ÝOLLANMAK** [ýo:llonmok], *işl.* Bir ýere iberilmek; ýola düşülmek. *Toý gününde arap atlar Durmaz, ýollanar, ýollanar* (Baýram şahyr).

**ÝOLLANYLMAK** [ýo:llonulmok], *işl., ser.* **Ýollanmak.**

**ÝOLLAŞDYRMAK** [ýo:lloşdurmok], *işl.* Hemmesini iberişdirmek, ählisini ugradyşdyrmak, boldugyndan ýollap durmak.

**ÝOLLAŞMAK** [ýo:lloşmok], *işl.* **1**. Ýollamaga kömek bermek, ugradyşmak. *Şähere üzüm ýollaşmak.***2**. Birnäçe bolup ýollamak, ýola ugratmak.

**ÝOLLATMAK** [ýo:llotmok], *işl.* Ýollamak işini başga birine etdirmek. *Ol esgeriň hatyny öýlerine ýollatdy.*

**ÝOLLAÝYŞ** [ýo:lloýuş], *iş ady.* Ýollamak ýagdaýy.

**ÝOLLY** [ýo:lly] **I**, *syp.***1**. Ýöremek, gitmek üçin ýol edilen, öň ýörelen, ýol salnan (ýer). *Ýolly ýerden ýöräň.* **2.** Oglana dakylýan at.

**ÝOLLY** [ýo:lly] **II**, *hal.* Dogry, degerli, geçginli. *– Gaýta şu at üstünde oňa-muňa çykmagam maňa kem ýaranok, Gutlymyrat – diýip, öz işini ýolly tapdy* (A.Gowşudow).

**ÝOLMA** [ýolmo] **I,** *iş ady.* Ýolmak ýagdaýy.

**ÝOLMA** [ýolmo] **II,***at.* Öldürilen goýnuň derisinden ýolnup alnan ýüň. *Ýolmaň hili pesräk hasaplanýar.*

**ÝOLMAK** [ýolmok], *işl.* **1**. Bir zady sogrup aýyrmak, çirtip üzmek, çekip, dartyp, üzüp almak. *Bagdan alma ýolmak.* **2.** Çekip, dartyp üzmek, gyrmak. *Ýüpi ýolmak.* **3.** Müçenek, ýolguç bilen sogurmak. *Aýnadyr ýolgujy alyp, sakgalynyň gyllaryny ýolmaga oturdy* (A. Durdyýew). **4.** Arasyny bölmek, böleklemek. *Ol hamyryny ýolýança, men tamdyra ot goýberdim* (H. Garabaýew). **5.** *göç.m.* Aldap almak, ýonmak.

**ÝOLMAKLYK** [ýolmokluk], *iş ady.* Ýolmak ýagdaýy.

**ÝOLMAZLYK** [ýolmozluk], *iş ady.* Ýolmak işini etmezlik.

**ÝOLMALAMAK** [ýolmolomok], *işl.* **1.** Ýolup-ýolup almak, çekişdirip ýolmak. *Öwez gyzaryp çişdi, ol yzly-yzyna telpeginiň tüýüni ýolmalady we nämedir bir zat diýmekçi boldy* (A. Gowşudow). **2.** Biriniň ýüz-gözüni dyrnaçaklamak, tüýtmelemek. *Ogulhan eje döşünden itip, ýüz-gözünden ýolmalasa-da, Töre çykarly däldi* (B. Öwezow).

**ÝOLMALANMAK** [ýolmolonmok], *işl.* Ýolnup-ýolnup alynmak. *Deriniň ýüňi ýolmalandy.*

**ÝOLMALAŞMAK** [ýolmoloşmok], *işl.* **1.** Ýolmalamaga kömek bermek. **2.** Biri-biriňi çekelemek, eliňi hereketlendirip, çalarak uruşmak, dalaşmak. *Çagalar biri-biri bilen ýolmalaşyp durdular.*

**ÝOLMALAŞYK** [ýolmoloşuk], *at.* Biri-biriň bilen ýolmalaşyp edilýän basalaşyk, uruş, dalaşyk. *Boldy bir başagaýlyk, ýolmalaşyk* (A. Durdyýew).

**ÝOLPOLIS** [ýo:lpoli:s], *at.* Ýol hereketiniň howpsuzlygyna gözegçilik edýän polisiýa işgäri.

**ÝOLUGRAK** [ýoluğra:k], *syp.* Ýolunjak bolup duran. *Ýolugrak ýüp.*

**ÝOLUGYŞ** [ýoluğuş], *iş ady.* Ýolukmak

**ÝOLUJY,** *syp., gepl.d.* Iliň hakyny iýýän, ütüji.

**ÝOLUK,** *syp.* Ýolnup bölek bolan, üzük, gyryk, kesik. *Ýoluk sapak.*

**ÝOLUKDYRMAK** [ýolukdurmok], *işl.* **1.** Birini-birine duşurmak, duçar etmek. *Ýolda ýolukdyrdym çeşmi-jadyny, Ölçerdim, el çoýdum ýşgyň oduna* (Magtymguly). **2.** Sezewar etmek, uçratmak, sataşdyrmak.

**ÝOLUKMA** [ýolukmo], *iş ady.* Ýolukmak ýagdaýy.

**ÝOLUKMAK** [ýolukmok], *işl.* **1.** Duçar bolmak, sezewar bolmak, sataşmak, duşmak. **2.** Bir zat degmek, ýokuşmak (kesel), bir zada uçramak. *Kelläňe gaýsar diýen bir dert ýolugypdyr* ("Görogly").

◊ **Ýolda ýolukmak (ýolukdyrmak)**sataşmak, duşmak. *Ýolda ýolukdyrdy çeşmi-jadyny* (Magtymguly). *Aý, olam bir ýolda ýolugandyr-da, maňa bir zat boldy diýip, jany agyrap durasy ýok.*

**ÝOLUKMAKLYK** [ýolukmokluk], *iş ady.* Ýolukmak ýagdaýy.

**ÝOLUM-ÝOLUM**, *syp.* Gyrym-gyrym, üzüm-üzüm bolan.

**ÝOLUNMAK** [ýolunmok], *işl.* **1.** Özüň üçin ýolup almak. *Ol ilki özüne waharman ternesini ýolundy.* **2.** Öz-özünden sapagyndan tänmek; öz-özi üzülmek (ýüp, sapak, sim hakynda). – *Bişenini tanamarsyň, indi ýolaýma. – Kaka, bu garpyzyň özi ýolnupdyr*. **3**. Ýolguç, müçenek bilen sogrulmak. *Sakgalyň töweregindäki gyllar ýolundy.* **4.** Arasy açylmak, böleklenmek, bölünmek. *Ýolnup goýlan hamyr.*

**ÝOLUŞ,***iş ady.* Ýolmak ýagdaýy. *Gawuny ýolşuň nähili, pazylyny goparýaň!*

**ÝOLUŞDYRMAK** [ýoluşdurmok], *işl.* **1.** Bir ýanyndan ýolmak, ýolup çykmak. *Tilki haýdan-haý garganyň tüýüni ýoluşdyryp başlaýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2.** Ýolum-ýolum etmek, ýolup birnäçe bölek etmek, üzüşdirmek, gyryşdyrmak. *Ýüpi ýoluşdyrmak.*

**ÝOLUŞMAK** [ýoluşmok], *işl.* **1**. Ýolmaga kömek bermek. *Ol deriniň ýüňüni ýoluşdy.* **2**. Bilelikde ýolmak.

**ÝOL-ÝODA** [ýo:l-ýo:do], *at.* **1.** Pyýada, ulagly ýörelýän ýollar, ýodalar. **2.** *göç.m.* Iş usuly, täri, ugry. *Her bir işiň öz ýol-ýodasy bar.*

**ÝOL-ÝOL** [ýo:l-ýo:l], *syp.* Zolak-zolak, zol-zol. *Ýol-ýol matadan tikilen düşekçe.*

**ÝOMAK** [ýomok], **1.** Ýiti sözli, şorta gürrüňli, gülküli degişme, şorta söz. **2.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi.

◊ **Ýomak atyşmak** biri-biriň bilen degişmek, gülküli degişmeler aýdyşmak. *Olaryň şadyýan gülküleri, biri-birine atyşýan ýomaklary düşelgäni ala-ýaz etdi* (N. Baýramow).

**ÝOMAKÇY** [ýomokçy], *at.* Ýomak atyjy, ýomak atmaga ökde adam. *Degişgen ýomakçy, diýseň keýpihon, Gara saçy sekil atan adamdyr* (A. Atajanow).

**ÝOM-ÝOK** [ýom-ýo:k]: **ýom-ýok bolmak** birdenýitirim bolmak, zym-zyýat bolmak. *Ol birden ýom-ýok boldy.* **Ýom-ýok etmek** harç etmek, bütinleý ýok etmek, bolmadyk ýaly etmek.

**ÝON** [ýo:n], *at.* Bil oňurganyň iki gapdaly, ýan. *Olaryň içinde hyňňy-syňňy etjek bolanlaryňam ýonuna çekäýýärdi* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Ýon damar** bil oňurganyň iki gapdalyndaky ýogyn damar (*ser.* **Ýondamar**). **Ýon damaryndan tutmak** agyryly ýerinden tutmak, berk daramak.

**ÝONA** [ýo:no], *at.* Gaňňanyň ýa-da eýeriň gürlük berkidilýän iki kese agajynyň aşagyna goýmak üçin gat-gat edilip tikilýän keçe, teletin ýa-da gaýyş. *Mahmal derlik, gülnary ýona, tylla gaýyşly eýer salyp, Gyraty eýerläp, kemsiz bezedi*("Görogly").

**ÝONAÇY** [ýo:noçy], *at.* Ýona tikýän ussa. *Magtymgulynyň atasy kümüş ussasy we ýonaçy bolupdyr.*

**ÝONAÇYLYK** [ýo:noçuluk], *at.* Ýona ýasaýan ussanyň käri, ýonaçynyň işi. *Ol ýonaçylyk we kümüşçilik işi bilen meşgul bolýar.*

**ÝONALYK** [ýo:noluk], *syp.* Ýona tikmek üçin ýararly.

**ÝONDAMAR** [ýo:nnamar], *at.* Oňurgalaryň iki gapdaly bilen gidýän ýogyn damar. *Ýondamarlaryny tutup, arkasyny owkalamaga başlady* ("Görogly").

**ÝONDURMAK** [ýo:nnurmok], *işl.* **1.** Ýonmak işini başga birine etdirmek. *Tagta ýondurmak.* **2.** *göç.m.* Aldaw, hile edýän adama puluň, zadyň bir bölegini gidermek, iýdirmek, aldyrmak.

**ÝONGUÇ** [ýo:nğuç], *at.* Agaç ýonmak üçin enjam, ýongy, sürgüç, rende. *Ýonguç bilen agaç ýonmak.*

**ÝONMA** [ýo:nmo] **I,** *iş ady.* Ýonmak ýagdaýy.

**ÝONMA** [ýo:nmo] **II,** *syp.* Ýonulyp ýasalan. *Ýonma bezeg.*

**ÝONMAK** [ýo:nmok], *işl.* **1.** Ýonguç ýa-da beýleki ýonujy ýiti gurallar bilen tagtanyň ýüzüni tekizlemek, ýylmamak. *Agaçdan ýonup perzi, pil, ruh, şa, at ýasapdyrlar* (A. Gowşudow). **2.** *göç.m.* Birinden bir zady her hili ýol bilen almak. *Görogludan bir zat ýonup bolmazmyka?* ("Görogly"). *Ol bir zat ýonup bilse ýonjakdyr.*

**ÝONMAKLYK** [ýo:nmokluk], *iş ady.* Ýonmak ýagdaýy.

**ÝONUJY** [ýo:nujy], *at.* **1.** Tagta, demir we ş.m. zatlary ýonýan adam. **2.** *göç.m.* Birinden bir zady hile bilen alýan, ýolujy (adam hakynda).

**ÝONULMAK** [ýo:nulmok], *işl.* **1.** Ýonujy gurallar bilen ýylmanmak, tekizlenmek. *Indi daş ýonulmagynyň sesine agaç ussalarynyň rendeleriniň hem başga gurallarynyň sesi goşulýardy* (A. Gowşudow). **2.** *göç.m.* Aldaw, hile bilen alynmak.

**ÝONUŞ** [ýo:nuş], *iş ady.* Ýonmak ýagdaýy.

**ÝONUŞDYRMAK** [ýo:nuşdurmok], *işl.* Ýonup çykmak, kä ýerlerini ýonup düzetmek. *Tagtalary ýonuşdyrdym.*

**ÝONUŞGA** [ýo:nuşğo], *at.* Agaç, demir we ş.m. zatlar ýonulanda, olardan aýrylýan burum-burum ýukajyk, insizje bölejikler. *Ol üýşüp ýatan agaç ýonuşgalaryny süpürip aýyrdy.*

**ÝONUŞMAK** [ýo:nuşmok], *işl.* **1.** Ýonmaga kömek bermek. *Agaç ýonuşmak. Pil saplaryny ýonuşmak.* **2.** Bilelikde ýonmak.

**ÝOŇ I,** *at.* Sowuklama, üşeme we ş.m. netijesinde döreýän näsaglyk, dümew.

**ÝOŇ II,** *at.* Täze dörän, köpçülikleýin ürç edilýän zat, nysak (geýim, köwüş, oýun we ş.m.).,

◊ **Ýoň bolmak** giňden ýaýramak, bir zat nysak bolmak.

**ÝOŇLAMA** [ýoňlomo], *iş ady.* Ýoňlamak ýagdaýy.

**ÝOŇLAMAK** [ýoňlomok], *işl.* Üşemek netijesinde näsaglyk tapynmak, dümewlemek, sowuklamak.

**ÝOŇLAMAKLYK** [ýoňlomokluk], *iş ady.* Ýoňlamak ýagdaýy.

**ÝOŇLAÝYŞ** [ýoňloýuş], *iş ady.* Ýoňlamak ýagdaýy.

**ÝOŇSUZ,** *syp.* **1.** Göwrüm, möçber, mukdar taýdan köp; ep-esli, uly, gabarasy esli. *Bir atadan ýeke Taýmaz, Indi görseň, ýoňsuz ata* (K. Gurbannepesow). **2.** Ep-esli; esli wagt. *Suw başynda ýoňsuz wagt güýmendi* (A. Kekilow).

**ÝORDUM,***at.* Çeper eserde wakalaryň ösüşiniň, gahrymanlaryň suratynyň çekiliş, görkeziliş täri, ugry. *Pikir ýordumy. Sýužet ýordumy.*

**ÝORDURMAK** [ýordurmok], *işl.* Düýşi ýorup bilýän adama onuň ýorgudyny aýtdyrmak. *Düýş ýordurmak.*

**ÝORGA** [ýorğo], *at.* **1**. Käbir atyň, eşegiň ortaça we iň rahat gezeri. *At ýorga ýöreýşini edende, öňki we yzky sag aýaklaryny bir wagtda, öňki we yzky çep aýaklaryny hem bir wagtda göterýär.* **2.** Çapuw däl-de, müngi aty. *Toý güni bagşy bilen ýorga dynç ýok* (Nakyl). *Bular guşlaryny hem ellerine alyp, ýorga artlaşdylar-da gidiberdiler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝORGALAMA** [ýorğolomo], *iş ady.* Ýorgalamak ýagdaýy.

**ÝORGALAMAK** [ýorğolomok], *işl.* **1.** Ýorgasyna gitmek, ýorga gezeri bilen gitmek. *Dor alaşa käkilik ýaly ýorgalap barýar* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Kiçi ädimler bilen çalt-çalt ýöremek, gybyrdyklamak. *Ol ýorgalap barşyna: – Bolýar, bolýar, hökman geler – diýdi* (A. Nazarow).

**ÝORGALAMAKLYK** [ýorğolomokluk], *iş ady.* Ýorgalamak ýagdaýy.

**ÝORGALAMAZLYK** [ýorğolomozluk], *iş ady.* Ýorgalap gitmezlik.

**ÝORGALATMAK** [ýorgolotmok], *işl.* **1.** Ýorgasyna sürmek, ýorga gezeri bilen ýöretmek. *Bagşy dor ýabysyny ýorgaladyp, dagyň etegini syryp, öýüne gaýdypdyr.* **2.** *göç.m.* Ýetişibildiginden çalt ýöremäge mejbur etmek.

**ÝORGALAŞMAK** [ýorğoloşmok], *işl.* **1**. Ýorga gezerinde birnäçe at ýorgalamak. *Ýorgalaşyp barýan atlaryň ýaňy ýola düşendigi bildirýärdi.* **2**. Birnäçe adam çalt ýöremek. *Nirä ýorgalaşyp barýarsyňyz?*

**ÝORGALAÝYŞ** [ýorğoloýuş], *iş ady.* Ýorgalamak ýagdaýy.

**ÝORGALY** [ýorğoly], *syp.* Ýorga münen, ýorga atlanan. *Ýorgaly bilen ýoldaş bolma, nadan bilen syrdaş* (Nakyl). *Ikindinara bir ýorgaly dünýäni ala tozan edip, tumşugyny dik asmana tutup gelýärdi* ("Görogly").

**ÝORGALYK** [ýorğoluk], *at.* Ýorga bolmaklyk. *Atyň gowy ýorgalygy äşgärdi.*

**ÝORGAN** [ýorğon], *at.* Ýatylanda ýapynmak üçin içine pagta, ýüň salyp tikilýän ýapynja. *Ýorganyňa görä aýak uzat* (Nakyl).

**ÝORGANÇA** [ýorğonço], *at.* Kiçiräk ýorgan.

**ÝORGAN-DÜŞEK** [ýorğon-nüşök], *at.* Ýatylanda üstüňe ýapynmak, aşagyňa düşenmek üçin gerekli ýorganlar we düşekler. *Bir böwürde bolsa üstüne ýorgan-düşek galdyrylgy demir sandyk durdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÝORGANLYK** [ýorğonluk], *syp.* Ýorgan üçin gerek bolan (mata, pagta, ýüň we ş.m. zatlar). *Ýorganlyk gowy mata gelen ekeni* (R. Allanazarow).

**ÝORGUDYKLAMAK** [ýorğuduklomok], *işl., ser.* **Ýorgalamak 2**. *Gapyda bir guşjagaz nämedir bir zat kowalap, ýorgudyklap ýördi* (N. Geldiýew).

**ÝORGUN** [ýorğun], *syp.* Ýadaw, argyn.

**ÝORGUNLYK** [ýorğunluk], *at.* Ýadawlyk, argynlyk.

**ÝORGUT** [ýorğut], *at.* Düýş ýorup bilýän adam tarapyndan görlen düýşüň manysyna, nämäniň alamatydygyna berilýän düşündiriş. – *Ýaşuly, bu düýşüň ýorgudyny özüň aýdaýmasaň, menden-ä ýoran ýok* (N. Pomma).

**ÝORKA** [ýorko], *at.* Gözüň görejini örtýän ýukajyk barda, perde. *Şunuň netijesinde gözüň görmek güýji kemelip, ahyrda görejiň ýüzünde ýorka peýda bolýar we oňa gül düşüp, gözi kör edýär* (S. Karanow).

**ÝORKALAMAK** [ýorkolomok], *işl.* Ýukajyk perde, barda bilen örtülmek. *Onuň görejiniň öňi ýorkalapdyr.*

**ÝORMA** [ýormo], *iş ady.* Ýormak ýagdaýy. *Düýş ýormanyň hem öz ugry-ýoly bar.*

**ÝORMAK** [ýormok], *işl.* **1.** Görlen düýşüň manysyny aýtmak. *Aman pälwan düýş ýormaga, adamyň ýylyny öwrüp, ýaşyny anyklamaga ökdedi* (B. Seýtäkow). **2.** Bir işi, hereketi başga bir zada ýanamak. *Möwsümiň şeýle şowly gelmegine biz gowulyga ýorýarys* ("Türkmenistan").

**ÝORMAKLYK** [ýormokluk], *iş ady.* Ýormak ýagdaýy. *Düýş ýormaklyk aňsat däl.*

**ÝORTMA** [ýortmo], *iş ady.* Ýortmak ýagdaýy.

**ÝORTMAK** [ýortmok], *işl., gepl.d.* Ylgamak, çalt gitmek. *Ýortan ozar, ýatan tozar* (Nakyl).

**ÝORTMAKLYK** [ýortmokluk], *iş ady.* Ýortmak ýagdaýy.

**ÝORTUŞ,***iş ady.* Ýortmak ýagdaýy.

**ÝORTUŞMAK** [ýortuşmok], *işl.* Çalt ýöreşip, ylgaşyp barmak. *Ýapylarda ýortuşyp, Oýnadylar bu ýerde* (M. Myşşyýew).

**ÝORULMAK** [ýorulmok] **I,** *işl.* Düýşüň ýorgudy aýdylmak.

**ÝORULMAK** [ýorulmok] **II,** *işl.* Ýadamak, armak. *Sen ýöne ýorlupsyň, ysgyndan düşüpsiň* (B. Kerbabaýew). *Uzak ýoly söküp, ýorlan ýolagçy biziň şäherimiziň howaly baglaryna gözi düşende, argynlygy sowlan ýaly bolýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÝORUNJA** [ýorunjo], *at.* Mal iými üçin ekilýän uzyn, inçe baldakly, owunjak ýaprakly, mawy gülli köpýyllyk ot. *Gül açypdyr gowaçalar, Ýorunja geçipdir dyzdan* (Ç. Aşyrow).

◊ **Eşek ýorunja** kösükliler maşgalasyna degişli ak kökli, boýy 20-100 sm. ýetýän uzyn baldakly, gyralary kertik-kertik üç ýapraky, iki ýyllyk otjumak ösümlik. Bu ösümligiň ownuk sary gülleri salkym görnüşlidir. Miwesi süýrgült kösük görnüşli bolýar.

**ÝORUNJAÇYLYK** [ýorunjoçuluk], *at.* Oba hojalygynda: ýorunja ösdürip ýetişdirmek, ondan iým taýýarlamak bilen meşgullanýan ugur. *Ýorunjaçylyk bilen giňden meşgullanylýar.*

**ÝORUNJALYK** [ýorunjoluk], *at.* Ýorunja ekilen giň meýdan. *Kaka, ýorunjalykdan aty tapmadym* (A. Durdyýew).

**ÝORUŞMAK** [ýoruşmok], *işl.* **1**. Ýormaga kömek bermek. *Gel, maňa düýş ýoruşsana!* **2.** Bilelikde ýormak. *Aýallar agşam gören düýşlerini ýoruşyp otyrdylar.*

**ÝOW,** *at.* **1.** Duşman, ýagy. *Arkalaşan ýow gaýtarar* (Nakyl). **2.** Biri-birine ýagy taraplaryň arasynda bolýan uruş, söweş, jeň. *Ýow güni gaýrata gatlan* (Magtymguly).

**ÝOWAMAK** [ýowomok], *işl., gepl.d.* Täsir edip bilmek, ýakyn gelip bilmek, ýakynlaşmak. *Arkaýyn oýnaber, birem saňa ýowap bilmez. Oňa ýowan zat bolmaz.*

**ÝOWAR** [ýowor], *at.* **1.** Biriniň hojalyk işine kömek bermek maksady bilen üýşüp ýerine ýetirilýän iş. *Aşyr aga jaý salyşmak üçin goňşularyny ýowara çagyrdy.* **2.** Dynç günleri bag ekmek, şäheri arassalamak we ş.m. boýunça geçirilýän köpçülikleýin jemgyýetçilik çäresi, işi. *Bu ýowar baýryň ýüzünde bag oturtmaklyga bagyşlandy.*

**ÝOWARÇY** [ýoworçy], *at.* Ýowara gatnaşyjy, ýowara gatnaşýan adam.

**ÝOWMAK** [ýowmok], *işl., gepl.d., ser.* **Ýowamak.**

**ÝOWŞAN** [ýowşon], *at.* Ownuk gülli, ýiti ysly, ajy tagamly, dagda, gumda bitýän pürli ösümlik. *Ak jerenli alalardan geçemde, Ýowşanlaryň ysy başym aýlasyn!* (B. Hudaýnazarow).

**ÝOWŞANLYK** [ýowşonluk], *at.* Ýowşanyň köp biten ýeri, ýowşanyň bol ýeri. *Obanyň golaý-goltumyndaky ýowşanlykda owlak-guzular bökjekleşip oýnaýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ÝOWUK,** *syp.* Daş däl, ýakyn, golaý. *Haýyr işlere ýowuk, şerden daş özüm* (Seýdi). *Razy boluňlar, görenler, Ýowukdyr zamana, begler!* (Hatam şahyr).

**ÝOWUZ,** *syp.* Ýaman, erbet; agyr, kyn, gazaply.

**ÝOWUZLANMAK** [ýowuzlonmok], *işl.* Gazaplanmak, gazaply bolmak.

**ÝOWUZLYK** [ýowuzluk], *at.* Ýowuz halda bolmaklyk, ýowuz bolmaklyk.

**ÝOWUZRAK** [ýowuzura:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilerden birneme ýowuz.

**ÝOÝDURMAK** [ýoýdurmok], *işl.* **1.** Bolşundan üýtgetmek, bellenen kadany bozdurmak. *Dürs ýazuw kadasyny ýoýdurmaz ýaly, özleşdirmesi kyn kadalary aýratyn jikme-jik öwretmeli.* **2.** Hakykaty üýtgetdirmek, bolşundan başgaça aýtdyrmak.

**ÝOÝMA** [ýoýmo], *iş ady,* Ýoýmak ýagdaýy.

**ÝOÝMAK** [ýoýmok], *işl.* Asyl keşbini, durkuny üýtgedip bozmak.

**ÝOÝMAKLYK** [ýoýmokluk], *iş ady.* Ýoýmak ýagdaýy.

**ÝOÝMAZLYK** [ýoýmozluk], *iş ady.* Ýoýman saklamak, üýtgetmezlik.

**ÝOÝUJY,***at.* Ýoýýan adam.

**ÝOÝULMA** [ýoýulmo], *iş ady.* Ýoýulmak ýagdaýy. *Wakalaryň gidişiniň ýoýulmasy hekaýanyň akgynlylygyna zeper ýetiripdir.*

**ÝOÝULMAK** [ýoýulmok], *işl.* **1**. Asyl keşbi, durky üýtgedilip bozulmak. *Taryhy eserlerde geçmişiň ýoýulmagyna ýol berilmeýär.* **2.** *gepl.d.* Aradan çykmak, aýrylmak, ölmek ( ýaşajyk çaga hakynda).

**ÝOÝULMAKLYK** [ýoýulmokluk], *iş ady.* Ýoýulmak ýagdaýy.

**ÝOÝUŞ,***iş ady.* Ýoýmak ýagdaýy.

**ÝOÝUŞDYRMAK** [ýoýuşdurmok], *işl.* Bir ýanyndan birnäçe zady ýoýup çykmak.

**ÝOZ,***at.* Gysyr we erkek dowarlar; ir guzlap, emdirmeýän dowarlar; sürä ýaraýan mallar. *Ýoz goýun.*

**ÝOZULMA** [ýozulmo], *iş ady.* Ýozulmak ýagdaýy. *Guzlaýan mallaryň ýozulmasy.*

**ÝOZULMAK** [ýozulmok], *işl.* **1.** Iner, erkek mallaryň esremek döwri tamamlanmak. *Erkek ýozulypdyr.* **2.** *göç. m., gepl.d.* Ýaş ulalyşyp, çaga dogurmakdan galmak (aýal hakynda).

**ÝOZULMAZLYK** [ýozulmozluk], *iş ady.* Ýozulman ýörmek.

**ÝOZULYŞ** [ýozuluş], *iş ady.* Ýozulmak ýagdaýy.

**ÝÖN** [ýö:n], *at, kön.s.* Ugur, tarap. *Ugrum, ýönüm bilmeýen, ýol üstünde oturgan...* (Magtymguly).

◊ **Ugur, ýön (ugur-ýom) bilmek** azda-kände tärini, usulyny bilmek.

**ÝÖNE** [ýö:nö], *hal.* **1.** Deregine hiç zat alman, mugt, pulsuz. *Bu kitaby men saňa ýöne berýärin.* **2.** Keýpine, peýwagtyna; biderek, sebäpsiz. *Ýöne oturandan her zat edenini gowy görýän Bäşim çendan çagalar bilen "kim dürtdi" oýnaýardy* (B. Kerbabaýew). **3.** "Emma, weli" diýen ýaly garşylygy görkezýän baglaýjy. **4.** Birsyhly, yzly-yzyna, yzygiderli, häli-şindi. *Men işden çykjak, başarmaýaryn, ýüpler ýöne üzülip dur diýdi-de, lampa özüni aşak goýberdi* ("Edebiýat we sungat"). **5.** Adaty däl, hemişekilerden aýratyn. *Bu gün ýöne bir gün däl, taryhy gün.* **6.** Diňe, ýeke. *Ol gyrmyldy Çerkezi ýöne bir alada däl, ony iňkise goýdy* (B. Kerbabaýew). **7.** Has beter, halys, barha, gitdigiçe. *Özüme näme bolýanyny-ha bilemok weli, ýöne ýere siňip barýan, ýerden galasym gelenok.*

◊ **Ýöne ýerden (ýere)** sebäpsiz, bir zady göz öňünde tutman. *Bu ýöne ýere aýdylýan sözler däl. Men bu zatlary ýöne ýerden aýdamok.* **Ýönesi bilen däl** etjek hereketini, işini bilýän, ýuwaş däl, betje.

**ÝÖNEKEÝ** [ýö:nököý], *syp.* **1.** Çylşyrymly däl, sada. *Bu gadymy ýadygärlik ýönekeý bir iri oturymly ekerançylyk we ýaşaýyş mesgeni däldir* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Ulumsy däl, kiçigöwünli, sada. *Ýönekeý adam.* **3.** Beýlekilerden tapawutlanmaýan, üýtgeşik bolmadyk. *Menem edil özüňiz ýaly, ýönekeý daýhan gyzy bolup işläsim gelýär* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew). **4.** Adaty, ýörgünli. *Meniň ýönekeý adymy tutaýyň!* (B. Kerbabaýew). **5.** Az ähmiýetli, ownuk-uşak. *Başlyk onuň bilen ilkibada ýönekeý zatlar hakynda gepleşdi* (A. Durdyýew).

**ÝÖNEKEÝLEŞDIRMEK** [ýö:nököýlöşdürmök], *işl.* Ýönekeý etmek, ýönekeý görnüşe getirmek, sadalaşdyrmak. *Munuň özi hasabat işini ýönekeýleşdirer.*

**ÝÖNEKEÝLEŞMEK** [ýö:nököýlöşmök], *işl.* Ýönekeý bolmak, has sadalaşmak, aňsatlaşmak. *Gowaça suwaryş usuly gitdigiçe ýönekeýleşýär.*

**ÝÖNEKEÝLIK** [ýö:nököýlük], *at.* Ýönekeý halda, ýagdaýda bolmaklyk, ýönekeý bolmaklyk, çylşyrymly dällik. *Hekaýadaky waka özüniň ýönekeýligi bilen tapawutlanýar.*

**ÝÖNELIGE** [ýö:nölügö], *hal.* Keýpine, peýwagtyna, ýöne ýere, ýöne ýerden (hereket, iş hakynda). *Durdy bagşy Mara ýönelige barmanmyş* ("Edebiýat we sungat"). *Ol gaty köp bilýär, ýönelige biz bilen giden däldir*.

**ÝÖNELIŞ** [ýö:nölüş], *iş ady.* Ýönelmek ýagdaýy.

◊ **Ýöneliş düşüm** *kime?, nämä?, nirä?* diýen soraglara jogap bolup, *-a, -e; -ä* düşüm gosulmasyny kabul edip gelýän sözleriň şekili.

**ÝÖNELME** [ýö:nölmö], *iş ady.* Ýönelmek ýagdaýy.

**ÝÖNELMEK** [ýö:nölmök], *işl.* Bir tarapa gidip ugramak, bir tarapa hereket edip, bir ugra ýöräp ugramak, gönükmek. *Gyzyl pürçük bolup gelýän gyz-gelinler gyz çykýan öýe tarap ýöneldiler.Biz oba bakan ýöneldik.*

**ÝÖNELMEKLIK** [ýö:nölmöklük], *iş ady.* Ýönelmek ýagdaýy.

**ÝÖNE-MÖNE** [ýönö-mönö]: **ýöne-möne däl** eýle-beýle däl, kiçi-kirim däl, ýönekeý däl.

**ÝÖNTEM** [ýö:ntöm], *syp.* **1.** Emelsiz, sada, gowşak, el ujundan. *Işi ýöntem edipsiňiz!* **2.** Dogumly däl,türkana. **3.** Çala görýän, kütelişen (göz hakynda). *Garly özüniň ýöntem gözlerini on-on bäş ädim aralykda duran atla baka dikdi* (A. Gowşudow).

◊ **Ýöntem iňňe** ýörmemek, ýama ýamamak üçin ulanylýan aralyk iňňe.

**ÝÖNTEMEK** [ýö:ntömök], *işl., ser.* **Ýörmemek.**

**ÝÖNTEMJE** [ýö:ntömjö], *syp.* Ýöntem häsiýeti bilen belli bolan, o diýen ähmiýetsiz. *Kagyzy ýöntemje usul bilen ýasaýarlar.*

**ÝÖNTEMLIK** [ýö:ntömlük], *at.* **1.** Ýüzleýlik, gowşaklyk, sadalyk. **2.** Dogumy azlyk.

**ÝÖNTEMRÄK** [ýö:ntömürä:k], *syp.* Öňküsine ýa-da beýlekilere garanda birneme ýöntem.

**ÝÖNTEM-ÝÖNTEM** [ýö:ntöm-ýö:ntöm], *syp.* Barysy ýöntem häsiýetli. *Ýöntem-ýöntem usullar.*

**ÝÖŇKELMEK** [ýöňkölmök], *işl.* Töhmet edilmek, garalyk ýapylmak; bir iş, zat, söz birine degişli edilmek. *Adamlar göýä bir günä ýöňkelip çagyrylýan ýaly görünýär* (A. Gowşudow).

**ÝÖŇKEME** [ýöňkömö] **I,** *iş ady.* Ýöňkemek ýagdaýy.

**ÝÖŇKEME** [ýöňkömö] **II,** *dil b.* Bir zadyň kime, nämä degişlidigini görkezmäge hyzmat edýän grammatik şekil, kategoriýa. *Ýöňkeme goşulmasy. Işlikler ýöňkemede üýtgeýärler.*

**ÝÖŇKEMEK** [ýöňkömök], *işl.* **1.** Bir zady, hereketi birine degişli etmek. **2.** Işiň ýaramaz

netijesini birine ýapmak. *Sen bu işleri maňa ýöňkeýärmiň?*

**ÝÖŇKEMEKLIK** [ýöňkömöklük], *iş ady.* Ýöňkemek ýagdaýy.

**ÝÖR,** Ümlük hyzmatynda gelip, "gideli" diýen manyny aňladýan düýp işlik.

**ÝÖRDEM** [ýördöm], *at.* Hereketiň, gymyldynyň ýönelýän ugry. *Saz diýleniň hem öz bir ýördemi bar* ("Edebiýat we sungat").

**ÝÖREDILMEK** [ýörödülmök], *işl.* **1.** Işe girizilmek, işledilmek, herekete girizilmek. *Bejerilmek üçin goýlan ulaglarynyň hemmesi ýöredildi.* **2.** Alnyp barylmak, amala aşyrylmak, iş ýüzüne geçirilmek. *Ylmy işde ýöredilýän pikirler, esasan, şulardan ybarat.*

**ÝÖRELGE** [ýörölğö], *at.* **1.** Öňden gelýän däp-dessur, kada-kanun, düzgün. *Ynsanperwerlik, açyklyk, din erkinligi, beýleki halklaryň medeniýetine sarpa goýmak ýaly ýörelgeler türkmen häsiýetiniň esasyny düzýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, ``Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr). **2.** Alnyp barylýan ugurda, işde duzgünleşip giden usul, tär. *Türkmenistanyň baştutanynyň sebitde parahatçylygy we durnuklylygy gazanmak hakynda ky ýörelgesi döwlet baştutanlary tarapyndan goldandy* ("Türkmenistan"). **3.** Ýörär ýaly ýoda. *Olar ýörelgeden gidip barýardylar.*

**ÝÖRELMEK** [ýörölmök], *işl.* Ädimlenip gidilmek. *Dogrudan hem, soňabaka diýseň haýal ýöreldi* (B. Soltannyýazow).

**ÝÖREME** [ýörömö], *iş ady.* Ýöremek ýagdaýy.

**ÝÖREMEK** [ýörömök], *işl.* **1.** Ädim ädip hereket etmek, gadam urmak, ýol geçmek. *Olar torç edilen kenar bilen saga ýörediler.* **2.** Herekete gelmek, işläp başlamak, işlemek. *Otly ýuwaş-ýuwaşdan ýöräp ugrady.* **2.** Görkezilen ugur, ýol, düzgün boýunça gitmek, hereket etmek. **4.** Tikin maşyny bilen tikip geçmek. *Köýnegiň sökülen ýerini maşynda bir gezek ýöräýin.* **5.** *göç.m.* Bedene güýçli täsir etmek, ýaýramak. *Halk arasynda: "Içýanyň awusy sary adama gaty ýöreýär" diýilýär.* **6.** *göç.m.* Dolanyşykda ulanylmak. *Ýurdumyzda öz milli manadymyz ýöreýär.*

**ÝÖREMEKLIK** [ýörömöklük], *iş ady.* Ýöremek ýagdaýy.

**ÝÖREMEZLIK** [ýörömözlük], *iş ady.* Ýöremän durmak, saklanmak.

**ÝÖREŞMEK** [ýöröşmök], *işl.* **1.** Ýöremäge kömek etmek. **2.** Ýöremekde ýaryşmak. *Men onuň bilen ýöreşip gördüm, ol meniň çakym däl.*

**ÝÖRETDIRMEK** [ýörötdürmök], *işl.*Ýöremek işini başga birine etdirmek.

**ÝÖRETME** [ýörötmö], *iş ady.* Ýöretmek ýagdaýy.

**ÝÖRETMEK** [ýörötmök], *işl.* **1.** Ýöremegini gazanmak, öz aýagy bilen gider ýaly etmek. *Uludan bir sojady-da, soňra ýöredip gitdi* (A. Durdyýew). **2.** Ýöremegini gazanmak, ýörär ýaly etmek. *Maşynyňy ýöredip bilýärmiň?* **3.** *göç.m.* Dowam etdirmek, alyp barmak. *Edaranyň işini ýöretmek.*

**ÝÖREÝIŞ** [ýöröýüş], *iş ady.* Ýöremek ýagdaýy.

**ÝÖRGÜN** [ýörğün], *syp., ser.* **Ýörgünli.** *Kagyz puluň ýörgüni ýok* (B. Seýtäkow).

**ÝÖRGÜNLI** [ýörğünlü], *syp.* Köp ulanylýan, köp agzalýan. *Halk arasynda Kemine hakynda ky şorta sözler hem ýörgünlidi.*

**ÝÖRGÜNLILIK** [ýörğünlülük], *at.* Ýörgünli bolmaklyk. *Ýöne-de bir ýaýramady, örän ýörgünlilik bilen agyzdan-agza ýaýrady* (N. Saryhanow).

**ÝÖRGÜR** [ýörğür], *syp.* Tiz, çalt ýöreýän, gitgir. *Ýörgür arap atlar, gör, hara döndi, Gymmatdan aýrylyp, ýaman pelekde* (Magtymguly). *Atyňyz ýörgür, gylyjyňyz kesgir bolsun!* (B. Seýtäkow).

**ÝÖRGÜRJE** [ýörğürjö], *syp.* Gitgirje, çalt ýöreýän (ulag hakynda). *Aman aganyň ýabysy kiçi hem bolsa ýörgürjedi.*

**ÝÖRGÜRLIK** [ýörğürlük], *at.* Ýörgür bolmaklyk, gitgirlik, çalt ýöreýjilik. *Bu atyň ýörgürligi haýran galdyrýar.*

**ÝÖRGÜRRÄK** [ýörğürrä:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilerden birneme ýörgür. *Mundan ýörgürräk ulagyňyz ýokmy?*

**ÝÖRGÜR-ÝÖRGÜR** [ýörğür-ýörğür], *syp.* Hemmesi ýörgür häsiýetli. *Olaryň ýörgür-ýörgür atlary bar.*

**ÝÖRHÄ-ÝÖR** [ýörhä:-ýör], *at.* Bir ugra köpçülikleýin githä-gitlik, gidişlik. *Ilbähbitli işe ýörhä-ýör bolsa, ol ilkinjileriň hataryndadyr.*

**ÝÖRIŞ** [ýörüýş] **I,***at.* Aýak basyş, ädim uruş, hereket ediş, ýöreýiş. *Gyratyň ýigrimi dört dürli ýörişi bardy* ("Görogly"). *Han küýli elmydama bir ýörişde lep-lep edip ýöreýärdi* (A. Durdyýew). *Özüne seredilýänini görüp, ýörişini bozdy-da, ýüzüni sapajakladyp, biziň ýanymyza geldi* (N. Saryhanow).

**ÝÖRIŞ** [ýörüýş] **II,***at.***1.** Harby sapar. **2.** Pyýada hereket, köpçülikleýin bir ýere gidişlik.

**ÝÖRITE** [ýörüýtö], *hal.* Aýratyn niýetlenen, aýratyn bir maksat üçin gönükdirilen; aýratyn.

**ÝÖRITELEMEK** [ýörüýtölömök], *işl.* Ýörite gelmek. *Men seniň ýanyňa çöriteläp geldim.*

**ÝÖRITELENMEK** [ýörüýtölönmök], *işl.* Ýörite birine niýetlenmek. *Ýöritelenip tikilen geýim.*

**ÝÖRITELEŞDIRMEK** [ýörüýtölöşdürmök], *işl.* Ýörite bir maksada gönükdirmek, aýratyn bir maksat, zat üçin niýetlemek.

**ÝÖRJEN-ÝÖRJEN** [ýörjön-ýörjön]: **ýörjen-ýörjen etmek (bolmak) 1)** ýaňy aýak bitip ýöräp başlamak, patdyk-putduk edip ýörejek bolmak. *Ýörjen-ýörjen bolup başlanda çaga, Ala-galmagaldy öýňüziň içi* (Ş. Borjakow). **2)** işi ýola goýup başlamak. *Kärhananyň işi ýörjen-ýörjen bolup barýar.*

**ÝÖRME** [ýö:rmö] **I,** *at.* Sapak. *Ýören aýaga ýörme oralar* (Nakyl).

**ÝÖRME** [ýö:rmö] **II,** *at.* Goýnuň içegesine malyň ownuk dogralan bagyr-öýkeni, ýüregi dykylyp taýýarlanýan iýmit, şöhlat.

**ÝÖRME** [ýörmö], *iş ady.* Ýörmek ýagdaýy.

**ÝÖRMEK** [ýörmök], *işl.* Baglanyp gelýän işligi bilen bilelikde dowamly hereketi aňladýar. *Işläp ýörmek. Gezip ýörmek.*

**ÝÖRMEKLIK** [ýörmöklük], *iş ady.* Ýörmek ýagdaýy.

**ÝÖRMELEME** [ýörmölömö], *iş ady.* Ýörmelemek ýagdaýy.

**ÝÖRMELEME** [ýö:rmölömö], *iş ady.* Ýörmelemek ýagdaýy.

**ÝÖRMELEMEK** [ýörmölömök], *işl.* Gybyrdap ýöremek, gybyrdamak (mör-möjekler hakynda). *Onuň arkasyndan garynja ýörmelän ýaly boldy.*

**ÝÖRMELEMEK** [ýö:rmölömök], *işl., ser.* **Ýörmemek.**

**ÝÖRMELEŞMEK** [ýörmölöşmök], *işl.* Birnäçesi gybyrdap ýöremek .

**ÝÖRMELEŞMEK** [ýö:rmölöşmök], *işl.* Ýörmelemäge kömek bermek.

**ÝÖRMELETMEK** [ýö:rmölötmök], *işl.* Ýörmelemek işini başga birine etdirmek.

**ÝÖRMELEÝIŞ** [ýörmölöýüş], *iş ady.* Ýörmelemek ýagdaýy.

**ÝÖRMELEÝIŞ** [ýö:rmölöýüş], *iş ady.* Ýörmelemek ýagdaýy.

**ÝÖRMELMEK** [ýö:rmölmök], *işl.* Gyrasy gapjalyp, üstaşyr sanjylyp tikilmek (mata hakynda).

**ÝÖRMEME** [ýö:rmömö], *iş ady.* Ýörmemek ýagdaýy.

**ÝÖRMEMEK** [ýö:rmömök], *işl.* Matanyň gyrasyny gapjap, üstaşyr sanjyp tikmek, gapjap, üstaşyr tikmek. *Ýorganyň döwürýanyny ýörmäp gutarmak.*

**ÝÖRMEMEZLIK** [ýö:rmömözlük], *iş ady.* Ýörmemek işini ýerine ýetirmezlik.

**ÝÖRMEŞDIRMEK** [ýö:rmöşdürmök], *işl.* Ýörmäp çykmak, üstaşyr tikişdirmek.

**ÝÖRMEŞMEK** [ýö:rmöşmök], *işl.* **1.** Ýörmemäge kömek bermek. *Şu ýerini ýörmeşsene!* **2.** Bilelikde ýörmemek. *Ýörmeşip oturmak.*

**ÝÖRMETDIRMEK** [ýö:rmötdürmök], *işl., ser.* **Ýörmetmek**.

**ÝÖRMETMEK** [ýö:rmötmök], *işl.* Ýörmemek işini başga birine etdirmek; ýörmemäge mümkinçilik bermek. *Köýnegiň zowwam tikinlerini gyzlara ýörmetdiler. Sen muny özüň ýörmejekmi ýa-da maňa ýörmedýäň?*

**ÝÖRMÜLDEME** [ýörmüllömö], *iş ady.* Ýörmüldemek ýagdaýy.

**ÝÖRMÜLDEMEK** [ýörmüllömök], *işl.* Haýal hereket etmek, haýallyk bilen ýöremek (mör-möjek hakynda). *Ýörmüldäp barýan kekene bir säginjek ýaly etdi-de, uçup gitdi. Ädiktiker keçäniň üstünde ýörmüldäp barýardy.*

**ÝÖRMÜLDEŞMEK** [ýörmüllöşmök], *işl.* Birnäçesi ýerli-ýerden ýörmüldemek, çar tarapa haýallyk bilen ýöreşip gitmek. *Möýler ýörmüldeşip dargadylar.*

**ÝÖRMÜL-ÝÖRMÜL: ýörmül-ýörmül etmek,** *ser.* **Ýörmüldemek.**

**ÝÖRÜLGEN** [ýörülgön], *at.* Dyrnagyň düýbünden dömýän iriňli çykuw. *Ýörülgen örän agyryly çykuw bolar eken.*

**ÝÖWSEL** [ýöwsöl], *syp.* Gowşak, çekinjeň.

**ÝÖWSELLEME** [ýöwsöllömö], *iş ady.* Ýöwsellemek ýagdaýy. *Iş jygba-jyga gelende ýöwsellemäňiz näme?*

**ÝÖWSELLEMEK** [ýöwsöllömök], *işl.* **1.** Gowşap başlamak, gorkmak, çekinmek. *Biderek batyrlyk satanyna puşman edip, ýöwselläp başlady* (N. Pomma). **2.** *gepl.d.* Azalyp başlamak, saýpallaşmak, sowlup başlamak, gidip, dagap başlamak. *Toý ýeriniň märekesi ýöwselledi.*

**ÝÖWSELLEMEKLIK** [ýöwsöllömöklük], *iş ady.* Ýöwsellemek ýagdaýy.

**ÝÖWSELLEMEZLIK** [ýöwsöllömözlük], *iş ady.* Ýöwsellemän durmak, özüňi batyrgaý alyp barmak.

**ÝÖWSELLEŞMEK** [ýöwsöllöşmök], *işl.* Birnäçe bolup ýöwsellemek.

**ÝÖWSELLEÝIŞ** [ýöwsöllöýüş], *iş ady.* Ýöwsellemek ýagdaýy.

**ÝÖWSELLIK** [ýöwsöllük], *at.* Ýöwseliň gylyk-häsiýeti, ýöwsel bolmaklyk. *Damja ýaş gözümde doňdy şo bada, Ýürek ýöwselligni zyňdy şo bada* (B. Hudaýnazarow).

**ÝÖWSELRÄK** [ýöwsölürä:k], *syp.* Bolmalysyndan birneme ýöwsel. *Bu gezek göreşýän oglan ýöwselräk görünýärdi.*

**ÝÖWZERME** [ýöwzörmö], *iş ady.* Ýöwzermek ýagdaýy.

**ÝÖWZERMEK** [ýöwzörmök], *işl., gepl.d.* Halys ejizlemek. *Mamaý ýöwzerip, ýalbarmaga başlady* (A. Gowşudow).

**ÝUBILEÝ** [ýubile:ý], *at.* **1.** Aýratyn adamyň ömür ýolunyň ýa-da edaranyň işlemeginiň, hereket etmeginiň bellenilip geçilmeli ýyllygy (adatça uly seneler hakynda). *Institutyň elli ýyllyk ýubileýi.* **2.** Bellenýän waka bilen baglanyşykly geçiriýän dabaralary, çäreleri baýram etmeklik.

**ÝUBILÝAR** [ýubilýa:r], *at.* Ýubileýi bellenýän, baýram edilýän aýratyn adam ýa-da edara, gurama.

**ÝUGRARLYK** [ýuğrorluk], *at.* Ýugrar ýaly. *Bir ýugrarlyk un.*

**ÝUGRULMAK** [ýuğrulmok], *işl.* **1.** Ýumruk ýa-da ýörite enjam bilen un bilen suw gowy garylyp, hamyr bolýança eýlenip, ýugrumy ýetirilmek. *Gowy ýugrulan undan bişen çörek.* **2.** *göç.m.* Belli bir gylyk-häsiýete, pikire we ş.m. eýe bolmak, belli bir ugra, maksada gönükmek. **3.** Biriniň gepine ynanyp, şondan çykmazlyk. *Ol aýalynyň sözüne halys ýugrulan eken.*

**ÝUGRULMAZLYK** [ýuğrulmozluk], *iş ady.* Ýugrulmak işi ýerine ýetirilmezlik.

**ÝUGRUM** [ýuğrum], *at.* **1.** Hamyryň ýugrulyş ýagdaýy, ýugrulma derejesi. *Ýöne bu sapar uludan demini alyp, hamyrynyň ýugrumyny ýetirmek bilen boldy* (H. Garabaýew). **2.** Bir gezek ýugrarlyk mukdar. *Bir ýugrum un.*

◊ **Ýugrumy ýetmedik 1)** çala ýugrulan. *Bu hamyryň ýugrumy ýetmändir, petir edäýiň.* **2)** *göç.m.* çig-çarsy, ýeterlik işlenmedik, çala işlenen (iş, eser hakynda).

**ÝUGRUMLYK** [ýuğrumluk], *syp.* Ýugurmak üçin niýetlenen (un).

**ÝUGRUNMAK** [ýuğrunmok], *işl.* Özüň üçin ýugurmak. *Çopan hamyr ýugrundy, gömme edindi.*

**ÝUGRUŞ** [ýuğruş], *iş ady.* Ýugurmak ýagdaýy.

**ÝUGURMA** [ýuğurmo], *iş ady.* Ýugurmak ýagdaýy.

**ÝUGURMAK** [ýuğurmok], *işl.* **1.** Uny suwa garyp, suwy gidýänçä, ýumruk bilen yzygiderli ýumruklamak. *Hamyryň içinde tokga un galmaz ýaly edip ýugurmaly.* **2.** *göç.m.* Gowy işlemek, gutarnykly syntgylamak. *Çöpläp çeper sözleň göwher dänesin, Ony çäksiz söýgi bilen ýugrupsyň* (M. Seýidow).

**ÝUGURMAKLYK** [ýuğurmokluk], *iş ady.* Ýugurmak ýagdaýy.

**ÝUKA** [ýu:ko], *syp.* **1.** Galyň bolmadyk. *Ýuka paçak garpyz.* **2.** *at.* Ölen adamyň sadakasyna bişirilýän çelpek. **3.** *göç.m.* Näzik, gelşikli, owadan. *Ýuka dodaklary bolsa ygtyýarsyz tirpildeýärdi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Ýuka geýinmek** ýeňil geýinmek, galyň geýinmezlik, ýyly egin-baş geýmezlik. *Howa sowuk, emma sen ýuka geýnipsiň.* **Ýuka ýürek** dözümsiz, rehimdar, rehimli, durumsyz. **Eli ýuka** puly az, ýetmez. *Häzir gelin edinjek weli, elim ýuka-da.*

**ÝUKAJYK** [ýu:kojuk], *syp.* Ýukalygy bilen tapawutlanýan. *Ýukajyk kagyz.*

**ÝUKALAMA** [ýu:kolomo], *iş ady.* Ýukalamak ýagdaýy.

**ÝUKALAMAK** [ýu:kolomok], *işl.* Hamyry, tagtany, böwedi we ş.m. zady ýaýyp ýa-da gyryp, ýuka etmek. *Daýhan böwedi ýukalap başlady*

**ÝUKALAMAKLYK** [ýu:kolomokluk], *iş ady.* Ýukalamak ýagdaýy.

**ÝUKALAMAZLYK** [ýu:kolomozluk], *iş ady.* Ýukalamak işini amal etmezlik.

**ÝUKALANMAK** [ýu:kolonmok], *işl.* Ýuka bolmak; ýuka edilmek. *Gat-gat bulutlar ýeliň ugruna çalt süýşüp, birneme ýukalandy* (Ş. Borjakow).

**ÝUKALATDYRMAK** [ýu:kolotdurmok], *işl.* Ýuka etdirmek.

**ÝUKALAÝYŞ** [ýu:koloýuş], *iş ady.* Ýukalamak ýagdaýy.

**ÝUKALMA** [ýu:kolmo], *iş ady.* Ýukalmak ýagdaýy.

**ÝUKALMAK** [ýu:kolmok], *işl.* Köp ulanylmagy ýa-da başga bir sebäp bilen ýuka bolmak; sürlüp, iýlip, eräp we ý.m. sebäpli ýuka hala geçmek. *Gara bulut indi kem-kemden dargap, barha ýukalýardy* (B. Gurbanow).

**ÝUKALAŞMAK** [ýu:koloşmok], *işl.* Ýukalamaga kömekleşmek.

**ÝUKALTMAK** [ýu:koltmok], *işl.* Ýuka etmek, ýukalamak.

**ÝUKALYŞ** [ýu:koluş], *iş ady.* Ýukalmak ýagdaýy.

**ÝUKALYŞMAK** [ýu:koluşmok], *işl.* **1.** Kem-kemden ýukalmak. **2.** Birneme ýukalmak.

**ÝUKARAK** [ýu:kora:k], *syp.* Birneme ýuka. *Gandym kaka, elimiziň ýukarak wagty myhmanam üstümizi basaýdy* (A. Gowşudow).

**ÝUMAK** [ýumok], *at.* Ýüp, ýüplük, eriş we ş.m. zatlaryň bir zadyň daşyna saralmagyndan emele gelýän togalak sargy.

◊ **Ýumak çözlenmek** gürrüňiň, işiň, wakanyň beýany äşgär, aýan bolup, ýüze çykyp başlamak, uç tapylmak.*Çöşlensin bar ýumak, galmasyn düwün, Men size açygny aýdaýyn şu gün* (A. Kekilow). **Ýumak ýaly togalanmak (tigirlenmek) 1)** biriniň hyzmatynda bolmak. *Bossan-da onuň öňünde ýumak ýaly togalandy* (B. Kerbabaýew). **2)** daşynda pyrlanmak, aýlanmak, söýmek, gowy görmek. *Gyzyň daşynda ýumak ýaly bolup aýlansaňam, öýe salmarys* (B. Seýtäkow). **3)** çalasyn, çalt hereket etmek. *Birdenkä açyk gapydan bir çagajyk ýumak ýaly tigirlenip geldi* ("Edebiýat we sungat"). **Ýumak ýaly bolmak** düýrlenmek, ýygrylmak, bir gysym bolmak.

**ÝUMALANMAK** [ýumolonmok], *işl.* Ýumak ýaly togalanmak, togalanyp gitmek, tigirlenmek, agdarylyp gitmek. *Ýumalanyp ýumak tapdym* (Sanawaçdan).

**ÝUMJUK: ýumjugyňy ýummak** geplemän oturmak (köplenç, aýallaryň dilinde ). *Sen bir ýumjugyňy ýumup otursana.*

**ÝUMJUK-ÝUMJUK: ýumjuk-ýumjuk etmek** gözüňi açalak-ýumalak etmek.

**ÝUMJUKLATMAK** [ýumjuklotmok], *işl.* Gözüňi tiz-tizden açyp-ýumup durmak, gyrpyldatmak. *Ol jüýjerilip duran gözlerini ýumjuklatdy* (K. Jumaýew).

**ÝUMLUGYŞ** [ýumluğuş], *iş ady.* Ýumlukmak ýagdaýy.

**ÝUMLUKMA** [ýumlukmo], *iş ady.* Ýumlukmak ýagdaýy. *Myhman gelende, bir ýerlere ýumlukmaň näme?*

**ÝUMLUKMAK** [ýumlukmok], *işl.* Yzyňa seretmän, çalt ýöräp gitmek, ýüzüň ugruna gitmek, sumat bolmak. *Atbakar oglan sesini çykarman, buýrugy berjaý etmäge ýumlukdy* (H. Derýaýew).

**ÝUMLUKMAKLYK** [ýumlukmokluk], *iş ady.* Ýumlukmak ýagdaýy.

**ÝUMMA** [ýummo], *iş ady.* Ýummak ýagdaýy. *Gözüňi ýummaň näme?*

**ÝUMMAK** [ýummok], *işl.* Gabaklaryňy ýa-da dodaklaryňy biri-birine degirmek. *Ýum gözüňi, gysyp gezgin dişiňi, Ýaza ýetseň, unutmagyn gyşyňy* (Magtymguly).

**ÝUMMAKLYK** [ýummokluk], *iş ady.* Ýummak ýagdaýy.

**ÝUMOR** [ýu:mor], *at.* Çeper edebiýatda, sungatda: wakalary, gahrymanlary degişme äheňli, ýomak şekilli suratlandyrmaklyk.

**ÝUMORIST** [ýumori:s], *at.* Degişme äheňli, ýomak şekilli çeper eser ýazýan ýazyjy. *Ýumorist ýazyjy.*

**ÝUMORISTIK** [ýumori:stik], *syp.*, *edeb.* Degişme äheňli, ýomak şekilli (çeper eser hakynda). *Ýumoristik hekaýa.*

**ÝUMRALMA** [ýumrolmo], *iş ady.* Ýumralmak ýagdaýy.

**ÝUMRALMAK** [ýumrolmok], *işl.* Ýumry bolup durmak, ýumry bolmak, pökgermek. *Hatda taýlaryň-da göwüsleri, butlarynyň iç ýüzleri çykyn-çykyn ýumralyp görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝUMRALMAKLYK** [ýumrolmokluk], *iş ady.* Ýumralmak ýagdaýy.

**ÝUMRALTMAK** [ýumroltmok], *işl.* **1.** Ýumry etmek. *Döşüňi ýumraldyp nirä gelýärsiň?* **2.** Ýumralyp durar ýaly etmek, ýumry etmek. *Ol keçäniň aşagyna bir zat salyp, ýumraldyp goýdy.*

**ÝUMRALYŞ** [ýumroluş], *iş ady.* Ýumralmak ýagdaýy.

**ÝUMRALYŞMAK** [ýumroluşmok], *işl.* Ýumry bolup durmak, ýumry-ýumry görünmek (birnäçe zat hakynda).

**ÝUMRUK,** *at.* Barmaklaryň ýumlan, düwlen görnüşi. *Ýumrukdan symsyk ýaman* (Nakyl). *Gulakjynyny ýumrugyna geýdirip pyrlady* (A. Nazarow).

◊ **Ýumruk iýmek** biri tarapyndan horlanmak, urulmak, ýenjilmek. **Ýumruk ýaly** uly bolmadyk, kiçijik. *Ýumruk ýaly çaga.* **Gyzyl ýumruga girmek** biri-biriňe ýumruk salyp uruşmak.

**ÝUMRUKLAMA** [ýumruklomo], *iş ady.* Ýumruklamak ýagdaýy.

**ÝUMRUKLAMAK** [ýumruklomok], *işl.* Birini ýa-da bir zady ýumruk bilen urmak, ýençmek, kakmak. *Kempir gapyny iki gaýta ýumruklady* (B. Soltannyýazow).

**ÝUMRUKLAMAKLYK** [ýumruklomokluk], *iş ady.* Ýumruklamak ýagdaýy.

**ÝUMRUKLANMAK** [ýumruklonmok], *işl.* Biri tarapyndan ýumruk bilen urulmak. *Aradan biraz wagt geçenden soň, ýene gapy ýumruklanyp başlandy.*

**ÝUMRUKLAŞMAK** [ýumrukloşmok], *işl.* Biri-biriňi ýumruklamak.

**ÝUMRUKLATMAK** [ýumruklotmok], *işl.* Birini ýa-da bir zady ýumruk bilen urdurmak, ýençdirmek.

**ÝUMRULMAK** [ýumrulmok], *işl.* Ýykylmak, kül-peýekun edilmek.

**ÝUMRULYK** [ýumruluk], *at.* Ýumry halda bolmaklyk, ýumralyp, güberilip durmaklyk.

**ÝUMRY,***syp.* Togalagrak görnüşde, ýumralybrak duran, tümmerip, galyp duran. *Göwsüňde goşa ýumrular, Almamydyr, nar, Hatyja* (Seýdi).

◊ **Ýumry ýuwutmak** gysganman iýmek, gazanç etmän iýmek. *Siziň bu ýumry ýuwduşyňyza hiç zat çydamaz.*

**ÝUMRY-ÝUMŞAK** [ýumru-ýumşok], *syp.* Hoşgylaw, buýrulan işe "ýok" diýmeýän. *Men bir ilgezik, ýumry-ýumşak oglan-da* ("Edebiýat we sungat").

**ÝUMŞADYLMAK** [ýumşodulmok], *işl.* Ýumşak edilmek. *Göreş meýdany ýumşadylyp taýýarlanypdy* (Ç. Aşyrow). *Gowaçalaryň hatar aralary oňat ýumşadylypdyr.*

**ÝUMŞAK** [ýumşok], *syp.* **1.** Aňsatlyk bilen basyp, gysyp, sykyp bolýan, gaty bolmadyk. *Ýumşak baldakly ot. Ýumşak ýer.* **2.** *göç.m.* Ýakymly, mylaýym. *Ol süýji dilli, diýseň ýumşak oglan eken* (T. Taganow).

**ÝUMŞAKDAN-ÝUMŞAK** [ýumşokdon-ýumşok], *syp.* Örän ýumşak, gaty ýumşak. *Ilkinji söýgüsi ýumşakdan-ýumşak Ilkinji gar bolup, inýärdi gökden* (G. Ezizow).

**ÝUMŞAKLYK** [ýumşokluk], *at.* **1.** Ýumşak halda bolmaklyk, gaty dällik. *Bu agajyň ýumşaklygy sebäpli, ondan nähili şekil ýasasyň gelse, ýasap oturmalydy.* **2.** *göç.m.* Ýakymlylyk, mylaýymlylyk. – *Geçiň, oturyň, çekinmäň – diýip, ýumşaklyk bilen sypaýyçylyk etdi* (H. Derýaýew). **3.** *göç.m.* Howasy mylaýym.

**ÝUMŞAMA** [ýumşomo], *iş ady.* Ýumşamak ýagdaýy. *Agajyň ýumşamasy suwa-da, buga-da bagly.*

**ÝUMŞAMAK** [ıumşomok], *işl.* **1**. Gatylykdan ýumşak hala geçmek, ýumşak bolmak. *Ýumşan ýer.* **2.** *göç.m.* Howasy mylaýym bolup ugramak, köşeşmek, gowşaşmak. *Gijeki aýaz daňdanyň alagaraňkysynda biraz ýumşady* (B. Kerbabaýew). **3.** *göç.m.* Gahary ýatyşmak, ýüregi düşüşip başlamak.

**ÝUMŞAMAKLYK** [ýumşomokluk], *iş ady.* Ýumşamak ýagdaýy.

**ÝUMŞAŞMAK** [ýumşoşmok], *işl.* **1.** Kem-kemden ýumşak hala öwrülip başlamak. *Suwly bedrä atylan çörekler ýumşaşypdyr.* **2.** *göç.m.* Gowşaşmak, peselişmek, ýatyşmak. *Şol gatysyna tutup duran howa Nowruz aýynyň ortalarynda badyny gowşadyp, ýumşaşyp ugrady* ("Edebiýat we sungat").

**ÝUMŞATMAK** [ýumşotmok], *işl.* **1.** Gaty zady ýumşak etmek. *Olar gowaçalary ýekeleýärdiler, keşleriň arasyny kätmen bilen ýumşadýardylar* (B. Kerbabaýew). **2.** *göç.m.* Gaharyny ýatyrmak, köşeşdirmek. *Ol äheňini birneme ýumşatdy.*

**ÝUMŞAÝYŞ** [ýumşoýuş], *iş ady.* Ýumşamak ýagdaýy.

**ÝUMUK,***syp.* Biri-birine degip duran, ýumlan, ýapyk, açylman duran. *Gözleri ýumuk arslandan ýene ses çykmady* (G. Gurbansähedow).

**ÝUMULMAK** [ýumulmok], *işl.* Eliň barmaklary, gözüň gabaklary, agzyň dodaklary gysylmak, ýapylmak. *Ýadawlykdan ýaňa gözlerim ýumlup barýar.*

**ÝUMURMA** [ýumurmo], *iş ady.* Ýumurmak ýagdaýy.

**ÝUMURMAK** [ýumurmok], *işl.* Ýykmak, dargatmak, weýran etmek, harabaçylyga öwürmek.

**ÝUMURMAKLYK** [ýumurmokluk], *iş ady.*Ýumurmak ýagdaýy.

**ÝUMURTDYRMAK** [ýumurtdurmok], *işl., ser.* **Ýumurtmak**.

**ÝUMURTGA** [ýumurtgo], *at.* Towugyň, guşlaryň, pyşdylyň we ş.m. guzlaýan daşy gabykly tohumy.

**ÝUMURTGALAMAK** [ýumurtgolomok], *işl.* Ýumurtga guzlamak, ýumurtga bermek. *Bu guş çölde*

*beýik bir agajyň başynda höwürtge ýasap ýumurtgalapdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝUMURTGALAÝYŞ** [ýumurtgoloýuş], *iş ady.* Ýumurtgalamak ýagdaýy.

**ÝUMURTGALYK** [ýumurtgoluk], *at, lukmanç.* Tohumlanýan jyns agzasy (aýallarda).

**ÝUMURTMAK** [ýumurtmok], *işl.* Ýumurmak işini başga birine etdirmek, ýykdyrmak.

**ÝUMUŞ**, *at.* **1.** Birine tabşyrylan iş, ýerine ýetirmeklige niýetlenen iş, tabşyryk. *Emma özüň erbet ýigit bolmanlygyň üçin, saňa bir ýumuş buýrup görmegi ýüregime düwdüm* (B. Seýtäkow). **2.** Okuwçylara berilýän tabşyryk, gönükme. *Okuwçylar öýe berlen ýumuşlaryny doly ýerine ýetiripdirler.*

◊ **Ýumuş oglany** tabşyrygy ýerine ýetirýän oglan. *Biz bir ýumuş oglany.* **Ýumuş bilmezlik** iş hökmünde kyn görmezlik. *Ýumuş bilmeseňiz, sarjak zatlarym bardy.*

**ÝUMUŞDYRMAK** [ýumuşdurmok], *işl.* Ýumup çykmak; ýuman bolmak, göwünli-göwünsiz ýummak. *Bu gürrüňlerden soň, köşeşen Pökgen barmaklaryny ýumuşdyrdy, açyşdyrdy, hasaplady-da razylyk berdi* (A. Gowşudow).

**ÝUP**-*ownuk b.* Başynda *-ýu* bogny bolan sözüň öňünden gelip, güýçlendiriji öwüşgin berýän bölek. *Ýup-ýuka, ýup-ýuwan, ýup-ýuwaş we ş.m.*

**ÝUP-ÝUKA** [ýup-ýu:ko], *syp.* Örän ýuka. *Ýup-ýuka mata.*

**ÝUP-ÝUMŞAK** [ýup-ýumşok], *syp.* Örän ýumşak. *Ýup-ýumşak oturgyç.*

**ÝUP-ÝUWAN** [ýup-ýumon], *syp.* Örän ýuwan. *Ýup-ýuwan gatyk bar içseňiz.*

**ÝURDAGAÝDAR** [ýu:rdoğaýdar], *at.* Iner bilen kärderiden bolan düýe.

**ÝURIDIK** [ýuridi:k], *syp.* Hukuga degişli, hukuk bilen baglanyşykly.

◊ **Ýuridik şahs** eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama (*ser.* **Şahs**).

**ÝURIST** [ýuri:st], *at.* Ýuridik bilimli adam, hukukçy, hukuk ugrundan tejribeli işgär.

**ÝURISTLIK** [ýuri:slik], *at.* Ýuristiň kesp-käri. *Ol bir edarada ýuristlik edýär.*

**ÝURT** [ýu:rt], *at.* **1.** Döwlet, belli bir araçägi bolan ýer giňişligi. **2.** Ilatyň göçen ýa-da oturymly ýeri.

◊ **Ýurdunda ýel ösdürmek** hiç zatsyz galdyrmak, ýok etmek. **Ýurduňda ýel öwüsmek** nam-nyşan almazlyk, hiç zatsyz galmak, ýurduň tozmak. **Ýurdunda ýumurtga togalabermeli etmek** derbi-dagyn etmek, ýumurmak. **Ýurduny başgalamak** aradan çykmak, ölmek. **Ýurdy baglamak** baýlyk, mülk, güýç we ş. m. boýunça meşhur bolmak. *Çerkeziň syratyna, güýjüne garanda, ýurdy baglan pälwan bolaýmalydy* (B. Kerbabaýew). **Ýurdy bulamak** bozgakçylyk, erbetçilik, bimazaçylyk etmek, ýurdy çaýkamak. **Ýurdy çaýkamak** *ser.* **Ýurdy bulamak.** **Ýurt çalmak** täze ýurdy bellemäge gitmek, gonuljak, göçüp baryljak ýeri öňünden görmek. *Kimkä? Bagşymyka ýa-da ýurt çalyp ýörenmikä?* (N. Saryhanow). **Ýurt baştutany** döwletiň ýolbaşçysy. **Ýurtda galan** ejiz, biçäre, ýalňyz, ýeke, hossarsyz. – *Neneňsi, şu ýurtda galan ýumruk ýaly oglana eliň göterilýär?! – diýip, yzyna gaýtdy* (H. Derýaýew). **Ýurt salyp gitmek** watanyňy taşlap, başga bir ýurda gitmek, iliňi terk etmek, oturymly ýeriňi taşlamak. *Ýurt salyp gitmäge ýeke gara başyňmy näme?* (Ý. Pirgulyýew). **Ýurt soramak** höküm sürmek, öz diýeniňi etdirmek. **Ýurt sökmek** aýlanmak, gezmek, syýahat etmek. **Ýurt tutmak** jaý gurunjak ýeriňi bellemek. **Ýurt ýykan 1)** bet, kezzap, hilegär, ýaman; ýakymsyz. **2)** ahlak taýdan bozulan, bozuk, ilden çykan.

**ÝURTBASAR** [ýu:rtbasar], *at.* Başgalaryň ýer-ýurduny zor bilen basyp alýan, basybalyjylykly syýasaty ýöredýän jeňbaz.

**ÝURTDAŞ** [ýu:rtdoş], *at.* Ýurdy, ýaşaýan ýeri bir, umumy bolan adam.

**ÝURTDAŞLYK** [ýu:rtdoşluk], *at.* **1**. Ýurtdaş bolmaklyk. **2**. Ýurtdaş, ildeş adamlaryň başga ýerdäki, başga ýurtdaky biri-birine raýdaşlyk etmek maksady bilen guralan birleşmesi.

**ÝUWA** [ýuwo], *at.* Ýaşyl sogana meňzeş, ajymtyk tagamly, iýilýän ýaz oty.

◊ **Ýuwaň seçegi ýaly** syrdamdan uzyn boýly. *Obamyzyň ýuwaň seçegi ýaly gyzlary, olara mynasyp naw ýaly ýigitleri bardyr.*

**ÝUWAN** [ýuwon], *syp.***1.** Duzy, çaýy az atylan, duzy kem. *Ýuwan nahar.* **2**. Turşy däl, iýmäge mylaýym. *Ýuwan gatyk.* **2.** *göç.m.* Ýuwnuksyz, edýän hereketi, aýdýan sözi batnyksyz.

**ÝUWANAK** [ýuwonok], *syp., gepl.d.* Özüni alyp barşy ýuwan, goýazy däl, salyhatsyz, agras däl. *Ýuwanak adamyň hereketleri-de maňzyňa batanok.*

**ÝUWANJA** [ýuwonjo], *syp.* Ýaňyja uýan, ýuwan (gatyk hakynda).

**ÝUWANLYK** [ýuwonluk], *at.* **1**. Ýuwan bolmaklyk, duzy kemlik; atylan çaýy azlyk, ýeterlik dällik; turşy dällik. *Naharyň ýuwanlygy. Çaýyň ýuwanlygy. Gatygyň ýuwanlygy.***2.***göç.m.* Goýry dällik, ýuwan adamyň gylyk-häsiýeti. *Özüniň ýuwanlygy bilen daş-töweregindäki adamlary irizdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÝUWANRAK** [ýuwonura:k], *syp.* Bolmalysyndan ýa-da beýlekilerden birneme ýuwan. *Şu gatyk ýuwanrak.*

**ÝUWAŞ** [ýuwoş], *syp.* **1.** Gowşak, pes çykýan, aramdan gowşak, çala eşidilýän. *Ýuwaş ses.* **2.** Garagol däl, bet bolmadyk, sessiz-üýnsüz. *Ol bir ýuwaş çagady.* **3.** Çalt däl, assa, haýal, asuda, howlukman (hereket hakynda). *Ýuwaş ädimläp gelýän ýaşuly dostumyň kakasydy.* **4.** Ümsüm, sessiz-üýnsüz. *Ýuwaş oturyň!* **5.** Sessiz-üýnsüz oturmak talap edilip aýdylýan söz. *Ýuwaş!!!*

**ÝUWAŞAMA** [ýuwoşomo], *iş ady.* Ýuwaşamak ýagdaýy.

**ÝUWAŞAMAK** [ýuwoşomok], *işl.* **1.** Ýuwaş, bolmak, bady, hereketi, sesi we ý.m. gowşamak. *Birden onuň sesi ýuwaşady. Ýel ýuwaşady.* **2.** Gymyldy-hereketini gowşatmak. *Maşyn ýuwaşady.Ýagyş ýuwaşady.* **3.** Gylyk-häsiýeti kadalaşmak, ýuwaşdaň adam häsiýetine geçmek.*Durdynyň garagolja ogly birneme ýuwaşapdyr.*

**ÝUWAŞAMAKLYK** [ýuwoşomokluk], *iş ady.* Ýuwaşamak ýagdaýy.

**ÝUWAŞAŞMAK** [ýuwoşoşmok], *syp.* Kem-kemden ýuwaşamak. *Goňşy öýdäki sesler dura-bara ýuwaşaşyp, mähelle kem-kemden azalyşdy* (B. Hudaýnazarow).

**ÝUWAŞATMAK** [ýuwoşotmok], *işl.* Gymyldy-hereketini we ş.m. gowşatmak. *Ol öňki gelşinden ädimini ýuwaşatdy* (B. Seýtäkow). *Meret inisini ýuwaşatjak boldy* (H. Derýaýew).

**ÝUWAŞAÝYŞ** [ýuwoşoýuş], *iş ady.* Ýuwaşamak ýagdaýy.

**ÝUWAŞDAŇ** [ýuwoşdoň], *syp.* Ýuwaşrak häsiýetli. *Ýuwaşdaň adam.*

**ÝUWAŞLYK** [ýuwoşluk], *at.* **1.** Güýçli ýa-da gaty dällik, peslik, gowşaklyk (hereket, ses hakynda). *Ýuwaşlyk bilen oňa habar gatdym.* **2.** Bet dällik, sessiz-üýnsüzlik (gylyk-häsiýet hakynda). *Onuň ýuwaşlygyny näme bilen deňeşdirsemkäm?* **3.** Çalt dällik, haýallyk, assalyk. *Onuň çigninden ýuwaşlyk bilen tutup, özüne garatdy* (B. Seýtäkow).

**ÝUWAŞRAK** [ýuwoşura:k] **I,** *syp.* Bolmalysyndan ýa-da beýlekilerden az-kem ýuwaş. *Şu at ýuwaşrak.*

**ÝUWAŞRAK** [ýuwoşura:k] **II,** *üml.* "Ýuwaş boluň!" diýen manyda ulanylýan söz.

**ÝUWAŞ-ÝUWAŞ** [ýuwoş-ýuwoş], *hal, ser.* **Ýuwaş-ýuwaşdan.** *Ýuwaş-ýuwaş ümsümlik aralaşdy.*

**ÝUWAŞ-ÝUWAŞDAN** [ýuwoş-ýuwoşdon], *hal.* Ýuwaşlyk bilen, assa-assa, kem-kemden, az-azdan, howlukman. *Ondan soňra çarkandaklygyň içi bilen ýuwaş-ýuwaşdan seňkildäp ugrady* (B. Kerbabaýew).

**ÝUWDARHA** [ýuwdorha:], *at.* Her bir zadyýuwdup barýan hyýaly jandar. *Ol özüni ýuwdarhadan kem däldirin öýtmeýärdi* (Ş. Borjakow).

◊ **Ýuwdarha ýaly** doýmaz-dolmaz; kän serişde talap edýän. *Näme öňüne goýulsa, ýuwdarha ýaly ýuwdup oturanmyş* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝUWDULMAK** [ýuwdulmok], *işl.* **1.** Bogazyňdan aňry geçirmek (iýmit hakynda). **2.** *göç.m.* Harç etmek, sowmak, öz hasabyňa geçirmek.

**ÝUWDUM,***at.* Bir gezekde ýuwudar ýaly zat. *Her ýuwdumy ömür goşar ömrüňe, Düwmeleri jygyrdaşyp böküp dur* (M. Seýidow).

**ÝUWDUNJYRAMAK** [ýuwdunjuromok], *işl.* Yzly-yzyna ýuwdunmak, ýuwdunýan ýaly etmek, ýuwdunyp durmak. *Ol bir şatlykly zady habar berjek bolup, gepläp bilmän ýuwdunjyrady.*

**ÝUWDUNMA** [ýuwdunmo], *iş ady.* Ýuwdunmak ýagdaýy. *Sowuklan adamyň ýuwdunmasy agyr bolýar.*

**ÝUWDUNMAK** [ýuwdunmok], *işl.* **1.** Ýuwutmak hereketini etmek. *Ýuwdunamda bogazymda bir zat galan ýaly bolup dur.* **2.** Aljyraňňy ýagdaýda gepläp bilmän durmak. – *Hyzmatyňyza sag boluň! – diýip, Berdiýew ýene aýtjak zadyny aýdyp bilmän ýuwdundy* (A. Geldiýew). **3.** Tagamly nahara göwnüň gitmek, ymsynmak. *Sen oglan-oglanjyk däl ahyry, süýji palaw görüp ýuwdunyp durma.*

**ÝUWDUNMAKLYK** [ýuwdunmokluk], *iş ady.* Ýuwdunmak ýagdaýy.

**ÝUWDUNYŞMAK** [ýuwdunuşmok], *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup ýuwdunmak. *Näme ýuwdunyşyp otyrsyňyz, geliň-dä, eliňizi ýuwuň!*

**ÝUWDURMAK** [ýuwdurmok], *işl.* **1.** Ýuwmak işini başga birine etdirmek. *Bir oglan gelip, oturanlaryň ellerini ýuwdurdy* (Ö. Abdyllaýew). *Ejeş ogluna miweleri ýuwdurdy. Çapyksuwar atyny ýuwdurdy.* **2.** Ýuwmaga mümkinçilik bermek. *Şu garakölini iki bolup saklaýmasak, ýuwdurjak däl.*

**ÝUWHA** [ýuwha:], *at.* Rowaýatlara görä, adam sesini eşitmän, ýüzlerçe ýyl ýaşan aždarha. *Lors ýylan özüni saýarmyş ýuwha* ("Görogly").

◊ **Ýuwha ýaly (dek) 1)** betnyşan, gelşiksiz, görksüz. **2)** reňk-peti ýok, gorkan. *Çekge süňkleri somalyp, Ak ýuwha dek boldy ýüzi* (Ç. Aşyrow).

**ÝUWLUK,***at.* Çowlukdan bolan çaga. *Käsi çowlukdan soň ýuwluk diledi, Käsi dosty üçin saglyk diledi* (K. Gurbannepesow).

**ÝUWMA** [ýuwmo], *iş ady.* Ýuwmak ýagdaýy. *At ýuwma şeýle bir lezzetli iş.*

**ÝUWMAK** [ýuwmok], *işl.***1.** Hapany, kiri suw bilen arassalamak, suw bilen tämizlemek. **2.** *gepl.d.* Biriniň durmuşynda bolýan oňaýly wakany, üstünligi, şowlulygy we ş.m. bellemek, onuň şanyna oturyşyk guramak.

**ÝUWMAKLYK** [ýuwmokluk], *iş ady.* Ýuwmak ýagdaýy. *Nahardan öň we soň eliňi ýuwmaklyk arassaçylyk üçin gowudyr.*

**ÝUWMARLAMA** [ýuwmorlomo], *iş ady.* Ýuwmarlamak ýagdaýy. *Onuň ýagdaýy ýuwmarlamasy düşnüklidi, çünki dostunyň gaharyny getirip, utjak zady ýokdy.*

**ÝUWMARLAMAK** [ýuwmorlomok], *işl.* Biriniň ýaramaz hereketini ýumşadyp görkezmek, ýuwup-ýaýmak. *Annagylyç her niçik-de bolsa, ýoldaşynyň günäsini ýuwmarlamaga çalyşdy* (Ş. Borjakow).

**ÝUWMARLAMAKLYK** [ýuwmorlomokluk], *iş ady.* Ýuwmarlamak ýagdaýy.

**ÝUWMARLAMAZLYK** [ýuwmorlomozluk], *iş ady.* Ýuwmarlap aklajak bolmazlyk.

**ÝUWMARLANMAK** [ýuwmorlonmok], *işl.* Günäniň, aýybyň üsti basyrylmak, aklajak bolunmak.

**ÝUWMARLATDYRMAK** [ýuwmorlotdurmok], *işl.* Başga birine ýuwmarlatmak.

**ÝUWMARLATMAK** [ýuwmorlotmok], *işl.*

Biriniň ýaramaz hereketini ýumşadyp görkezdirmek. *Ol günäsini ýuwmarlatjak bolup köp çalyşdy.*

**ÝUWMARLAÝYŞ** [ýuwmorloýuş], *iş ady.* Ýuwmarlamak ýagdaýy.

**ÝUWMAZLYK** [ýuwmozluk], *iş ady.* Ýuwup arassalamazlyk. *Gök önümleri ýuwman iýmek bolmaz.*

**ÝUWNUKSYZ** [ýuwnuksuz], *işl.* Gepi-sözi ýerliksiz, ýerliksiz hereket edýän, batnyksyz, kelpeň. *Hoşgeldi, ýaňky biziň ýanymyzda oturan ýuwnuksyz adam kimdi* (A. Gowşudow).

**ÝUWNUKSYZLYK** [ýuwnuksuzluk], *at.* Ýuwnuksyz häsiýetlilik.

**ÝUWNUKSYZRAK** [ýuwnuksuzura:k], *syp.* Birneme ýuwnuksyz.

**ÝUWUDYBERMEK** [ýuwduvermek], *işl.* Ýuwudyp başlamak.

**ÝUWULMAK** [ýuwulmok], *işl.* Suw bilen arassalanmak. *Täze ýuwlan köýnek.*

**ÝUWUNDY** [ýuwunny], *at.* Gap-çanak ýuwlanda galýan hapa suw. *Ýaz ýuwundysy gyşa gatyk* (Nakyl).

**ÝUWUNDYRMAK** [ýuwunnurmok], *işl.* Ýuwup arassa etmek, tämizlemek; suwa düşürmek. *Çagany ýuwundyrmak.*

**ÝUWUNMAK** [ýuwunmok], *işl.* Suw bilen arassalanmak, suwa düşmek, endamyňy ýuwmak. *Ýüzi gyrawlan bedreden suw alyp, içki köýnegini-de çykaryp, tä guşaklygyna çenli buz ýaly suwa ýuwundy* (B. Seýtäkow*).*

**ÝUWUN-ÝUWUN**, *syp.* Hapa degendir, ýokuşandyr öýdüp, elini, gap-gaçlaryny häli-şindi ýuwup duran, gereginden artyk ýuwýan, ýuwunýan.

**ÝUWUP-ÝAÝMAK** [ýuwup-ýa:ýmak], *işl.* Ýuwmarlamak. *Ýuwup-ýaýanyň bilen onuň içigaralygyny ýaşyryp bilmersiň.*

**ÝUWUSGA** [ýuwusğo], *at.***1.** Öli ýuwlan suw. **2.** Öli ýuwlan suwuň dökülen ýerinde galdyrylan tümmek.

**ÝUWUŞ I,** *iş ady.* Ýuwmak ýagdaýy.

◊ **Ýuwuş suwy** şorlan ýeriň duzuny azaltmak üçin tutulýan suw.

**ÝUWUŞ II,***at.* Çalt köpelýän, gamşa meňzeş köpýyllyk ot.

**ÝUWUŞDYRMAK** [ýuwuşdurmok], *işl.* **1.** Hemmesini, ählisini ýuwup çykmak. *Aýallar toýuň gap-gaçlaryny, gazanlaryny ýuwuşdyrdylar.* **2.** Mümkinçilige görä, bolşuna görä ýuwmak.

**ÝUWUŞMAK** [ýuwuşmok], *işl.* **1.** Ýuwmaga kömek etmek. *Olaryň kimsi şo gezek kir ýuwuşdy, kimsi içeriň arassaçylygy bilen gümra boldy* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Bilelikde ýuwmak. *Ýabyň başyndaky gelin-gyzlar kir ýuwşup otyrdy.*

**ÝUWUTDYRMAK** [ýuwtdurmok], *işl.* Ýuwutmaga mejbur etmek. *Dermany çaga ýuwutdyrmak.*

**ÝUWUTMA** [ýuwtmo], *iş ady.* Ýuwutmak ýagdaýy.

**ÝUWUTMAK** [ýuwtmok], *işl.* **1.** Bogazyň beden muskullarynyň hereketi arkaly iýmiti gyzylödegiň üsti bilen iteklemek. *Ol el ýaly çöregiň ýüzüne ýagy galyň çalyp, çeýnäp-çeýnemänkä ýuwutdy* (B. Seýtäkow). **2.** Demiňe dartmak, içiňe sormak. *Dürli yslara gatyşan bahar howasyny çuňňurdan-çuňňur ýuwutdygyňça, ýuwudasyň gelýär* (H. Derýaýew). **3.** Sözüňi, ynamyňy ýele bermek, ygraryňy gidermek. *Beren sözüňi ýuwutmak.*

◊ **Gaharyňy ýuwutmak** gaharyň gelen-de bolsa, özüňe erk edip, saklanmagy başarmak. *Gaharyny ýuwdan batyr* (Nakyl).

**ÝUWUTMAKLYK** [ýuwtmokluk], *iş ady.* Ýuwutmak ýagdaýy. *Gussa ýuwutmaklyk seniň ýaly aňly-asylly ýigide uslybam däl.*

**ÝUWUTMAZLYK** [ýuwtmozluk], *iş ady.* Ýuwutman durmak, ýuwutmakdan saklanmak. *Çilim çekýäniň ýanynda oturyp, tüsse ýuwutmazlyk mümkin däl.*

**ÝÜK,***at.***1.** Ulaga urmak, bir zada ýüklemek, ýanyň bilen götermek üçin taýýarlanan zat, haryt, goş. *Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz* (Nakyl). **2.** Öýüň duluna galdyrylyp goýlan ýorgan-düşek. **3.***göç.m.* Jebir, azap, dert, alada, azar. *Ýöne Bibi ejäniň dertli janyna şol seýrek düşýän myhmanlar hem uly ýükdi* (T. Gurbanow).

◊ **Ýük bolmak** birine azar bolmak, asgynjak bolmak. *Ol ýolda öz başyny çarap bilmän, maňa ýük boldy.* **Ýük görmek** kyn görmek, ünji, alada bilmek. *Sen Mülkini ýük görseň, men ýük görmen* ("Edebiýat we sungat"). **Ýüki saman** iş oňarmaýan, elinden iş gelmeýän, derde ýaramaýan, pöwhe, boş. *Iş bilýän birini ibereweri, ýüki samanyň biri gelse, bu ýerde özi iş bolar.* **Ýüki ýeňlemek** gaýgy-gamy azalmak, derdi-aladasy egsilmek, işi ýeňlemek. *Ýüki ýeňlän Aýjahan uludan dem aldy* (B. Gulow). **Ýüki ýetmek** derdeseri artmak, alada-ünjüsi köpelmek; işi başyndan agmak. *Sähetliniňem ýüki ýetýär, Baky jan* (H. Garabaýew). **Ýüküňi tutmak** gerekli zatdan şaýyňy tutmak, alyp bileniňi almak. *Seniň demiň içiňde bolaýsyn, matadan ýüküňi tutaryn* (A. Durdyýew). **Ýük ýazdyrmak** ýolda düşläp, dem-dynç almak, düşlemek. *Aňyrdan ýadap gelýän kerwenler şu ýerde ýüklerini ýazdyryp, üç günläp dynç almagy makul gördüler* ("Türkmen halk ertekileri"). *Bu dünýä göýä bir kerwensaraýdyr, Gelen ýük ýazdyryp geçip baradyr* (Magtymguly).

**ÝÜKÇI** [ýükçü], *syp., at.* **1**. Ýük daşamaga gaýym, köp ýük göterýän, ýüke werdiş. *Dogrudan hem ýükçi arwanalaryň ýük çekmekden ýaňa örküjiniň gapdallary ýara bolardy* (A. Gowşudow). **2**. Ýük ýüklemek, düşürmek bilen meşgullanýan adam. *Şu günler ol ýükçi bolup işleýär* (A. Atajanow). **3**. Tabşyrylan işi "ýok" diýmän, kyn görmän ýerine ýetirýän (adam hakynda). *Ol ýükçi adamdyr, tabşyran işiňi kyn görmän eder.*

**ÝÜKLEMEK** [ýüklömök], *işl.* **1.** Ulagyň, malyň üstüne ýük basmak, ýük urmak. **2.***göç.m.* Birine bir işi ýerine ýetirmegi tabşyrmak, borçly etmek. *Bölüme wagtlaýyn ýolbaşçylyk etmek esasy ylmy işgäriň üstüne ýüklendi.* **3.** Kompýuteriň ýadyna bermek.

**ÝÜKLEMEKLIK** [ýüklömöklük], *iş ady.* Ýüklemek ýagdaýy.

**ÝÜKLEMEZLIK** [ýüklömözlük], *iş ady.* Ýüklemän durmak, ýüklemekden saklanmak, ýük urmazlyk.

**ÝÜKLENMEK** [ýüklönmök], *işl.* **1.** Ulagyň, malyň üstüne ýerleşdirilmek, urulmak. **2.** Ýüküňi tutmak, arkaňa ep-esli ýük ýüklemek. *Dogan, atyň boz bolsun, Ýükleneniň hoz bolsun* (Halk döredijiliginden).

**ÝÜKLEŞDIRMEK** [ýüklöşdürmök], *işl.***1.** Ýükleri ulagyň üstüne uruşdyrmak, ýükläp goýuşdyrmak, hemmesini ýüklemek. *Sähet daň bilen turup, öz adamlary bile ýola düşmek üçin, azyk-suwluklaryny düýelere ýükleşdirmek işi bilen meşguldy* (A. Gowşudow). **2.** Mümkinçilige görä, bolşuna görä ýüklemek.

**ÝÜKLEŞMEK** [ýüklöşmök], *syp.* **1.** Ýüklemäge kömek bermek *Odunyňy-da ýükleşeýin.***2.** Bilelikde ýüklemek.

**ÝÜKLETMEK** [ýüklötmök], *işl.* **1.** Ýüklemek işini başga birine etdirmek. *Bu ýükler bize agşama çenli ýükletse gerek.* **2.** Ýüklemäge mümkinçilik bermek. *Siziň ýükümi maşynyňyza ýükledeniňiz gowy boldy, bolmasa ýükümi goýmaly bolardym.*

**ÝÜKLEÝJI** [ýüklöýjü], *at.* Ýük ýükleýän (adam, enjam). *Ýene bir gowy zat – kärhanada ýük ýükleýjiler köp.*

**ÝÜKLEÝIŞ** [ýüklöýüş], *iş ady.* Ýüklemek ýagdaýy.

**ÝÜKLÄBERMEK** [ýükllä:vermek], *işl.* Ýükläp başlamak; ýük urmagy dowam etdirmek. *Şeýdiň-de hemmesinem ýükläberiň.*

**ÝÜKLI** [ýüklü], *syp.* **1.** Üstüne ýük urlan, ýüklenen. *Ýükli maşynlar geçişip dur.* **2.** Kynçylykly, aladaly. *Ol günler geçdi, ýöne ýükli geçdi.*

**ÝÜKSE** [ýüksö]: **ýükse bolmak** *ser.* **Ýük bolmak.**

**ÝÜKSÜNIBERMEK** [ýüksünüvermek], *işl.* Ýüksünip ugramak.

**ÝÜKSÜNME** [ýüksünmö], *iş ady.* Ýüksünmek ýagdaýy.

**ÝÜKSÜNMEK** [ýüksünmök], *işl.* Birini ýa-da bir zady ýük bilmek, agyr görmek, kyn görmek. *"Şony ýüksünmän, ynjytman saklaýyn diýse, bararyn" diýdi* ("Nejep oglan"). *Men seni ýüksündimmi?* (B. Kerbabaýew).

**ÝÜKSÜNMEZLIK** [ýüksünmözlük], *iş ady.* Ýüksünip durmazlyk.

**ÝÜLMEGRÄK** [ýülmöğürä:k], *syp.* Öňküsinden ýa-da beýlekilere garanda birneme ýülmek.

**ÝÜLMEK** [ýülmök], **1.** *syp.* Sürlüp ýylmanak bolan, sürlüp ýukalan, ýylmanak. *Ýülmek kenek. Ökjesi ýülmek ädik.* **2.** *at.* Öýleriň içinde diwarlara, ýere düşemek üçin ulanylýan gurluşyk serişdesi, kafel. *Hammamyň içine ýülmek düşemek.*

**ÝÜLMEME** [ýülmömö], *iş ady.* Ýülmemek ýagdaýy. *Aşyk ýülmeme.*

**ÝÜLMEMEK** [ýülmömök], *işl.* Ýüzüni, arkasyny gyryp, ýylmap ýukaltmak, sürüp ýylmanak etmek. *Bir bölejik almazy ýülmäp otyr hemişe* (A. Atajanow).

**ÝÜLMEMEKLIK** [ýülmömöklük], *iş ady.* Ýülmemek ýagdaýy.

**ÝÜLMENMEK** [ýülmönmök], *işl.* Ýylmanyp tekizlenmek. *Baş ujundaky adam boýundan belent haýbatly mermer daş sünnälenip ýülmenipdir* ("Edebiýat we sungat").

**ÝÜLMETDIRMEK** [ýülmötdürmök], *syp., ser.* **Ýülmetmek.**

**ÝÜLMETMEK** [ýülmötmök], *işl.* Ýülmemek işini başga birine etdirmek.

**ÝÜLÜK**, *at, ser.* **Ýilik.**

**ÝÜŇ**, *at.* Käbir haýwanlaryň bedenini örtýän ýumşak tüý örtügi. *Düýäniň ýüňi.*

◊ **Ýüň darak** goýun, düýe ýüňi ýaly zatlary daramak, darap arassalamak üçin, aşagy üçburç tagta stanokly, ýokarsy iki setir uzyn dişli enjam. **Ýüňi ýetmek** mazaly güýç-kuwwata gelmek, ýetişmek, ýigit ýetip gujurlanmak, daýawlanmak. *Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda, Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir* (Magtymguly).

**ÝÜŇSAKGAL** [ýüňsakgal/ýüňsakal]: **ýüňsakgal bolmak** biriniň öňünde ýalançy bolmak, sözüňde, lebziňde tapylyp bilmezlik, garaşylany çykmazlyk. *Ýüňsakgal bolarys-a öýdemzok* ("Edebiýat we sungat"). **Ýüňsakgal etmek** ýalançy etmek, biabraý etmek, masgara etmek. *Özüni ýüňsakgal eder, Bozulan ile baş bolan* (Magtymguly).

**ÝÜŇJÜMEK** [ýüňjümök], *syp.* Tüýjerip duran, ýüň pisint, ýüň ýaly, ýüňleç. *Ýüňjümek süýümli birýyllyk gowaça hem bolupdyr.*

**ÝÜŇLEÇ** [ýüňlöç], *syp.* **Ýüňjümek.***Ýüňleç sakgally Weldurdy aga berk garşylyk görkezdi* (N. Pomma).

**ÝÜŇLEGRÄK** [ýüňlögürä:k], *syp.* Birneme ýüňlek.

**ÝÜŇLEK** [ýüňlök], *syp.* Gür ösgün ýüňli, köp ýüň berýän, ýüňli. *Tamyň hemme ýerini ýüňlek, galyň pendi halylary tutup ýatyrdy* (B. Seýtäkow). *Saryja goýunlary örän ýüňlek bolýar.*

**ÝÜŇLI** [ýüňlü], *syp.* **1.** Ýüňlek. **2.** Içine ýüň salnan, ýüň dykylan. *Içi ýüňli haltalaryň üstünde ýatyrdylar* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýüňli ganar ýaly bolmak** gaty çişik bolmak (köplenç, kesel bilen baglanyşykly aýdylýar).

**ÝÜŇTÜÝLI** [ýüňtüýlü], *syp., gepl.d.* **1.** Dowaryň goýunugruna berilýän umumy at. *Süriniň içinde ýüňtüýli dowar azlyk edýär.* **2.** *gepl.d.* Atly-abraýly, derejeli, aňyrly-asylly.

**ÝÜP**, *at.* **1.** Ýüňden, çöpürden, kendir süýüminden we ş.m. işilip, ýük, goş-golam, mal-gara daňmak üçin ulanylýan tanap, bag. *Käse döwen käse berer, ýüp üzen – tanap* (Nakyl). *Gulaç ýetmese – ýüpden, garyş ýetmese – ýigitden* (Nakyl). **2.** Haly, palas dokamak üçin ýüňden egrilen argaçlyk, erişlik sapaklar. *Halyçylaryň elini, ýüpleriň reňkini, çitimini, gyrymyny nazaryndan sypdyranok* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Ýüpsüz baglamak (daňmak) 1)** bent etmek, bendiwan etmek, erkini almak. **2)** bir zat wada edip, köp garaşdyrmak. **Ýüp syrylyp, toýnukdan geçmek**

iş-işden geçmek, boljak iş bolmak. *Her kim öz bilenini orta atdy. Iň soňunda ýüp syrylyp, toýnukdan geçdi* ("Görogly"). **Ýüpüniň üstünde odun goýup bolmazlyk** bil baglap bolmazlyk, ynanyp bolmazlyk, belli gepi bolmazlyk, ygtybarsyz, ygrarsyz bolmak. *"Bu adam hemişe sözüniň üstünde tapylýan adam däl, onuň ýüpüniň üstünde odun goýup bolmaz" diýip, bütin oba gürrüň edýärdi* (A. Gowşudow).

**ÝÜPEK** [ýüpök], *at.* **1.** Ýüpek gurçugynyň pilesinden alynýan inçe süýümli önüm. **2.** Ýüpekden taýýarlanan, ýüpekden öndürilen. *Ýüpek mata.*

◊ **Ýüpegiň uçly bolsun!** ýüpek çekijä işiniň şowly bolmagyny arzuw edip aýdylýan dileg. – *Ýüpegiň uçly bolsun! – diýlende: – Döwletiň güýçli bolsun! – diýip, jogap berilýär.* **Ýüpek çekmek** piläni ýörite gazanda gaýnadyp uç almak; piläni ilkinji gezek işlemek. *Gyzlar ýüpek çekmek işine türgenleşipdirler.* **Ýüpek ýaly** örän gowy häsiýetli, mylaýym, adamkärçilikli.

**ÝÜPEKÇI** [ýüpökçü], *at.* Gurçuk tutup pile hasylyny almak işi bilen meşgullanýan işgär, ýüpekçilikden hünärmen.

**ÝÜPEKÇILIK** [ýüpökçülük], *at.* Oba hojalygynyň ýüpek gurçugyndan pile hasylyny almak bilen meşgul bolýan pudagy. *Bize hökman gerek şu ýüpekçilik, Gowy zat şu ýüpek, söýýär köpçülik* (G. Seýitliýew). *Ýüpekçilik hojalygy. Ýüpekçiligi ösdürmek. Ýüpekçilik bilen meşgullanmak.*

**ÝÜPEKLI** [ýüpöklü], *syp.* Ýüpek garylan, ýüpek gatanjy bolan. *Ýüpekli don.*

**ÝÜPLÜK,** *at.* Dokmaçylyk, tara we tikin-çatyn işlerinde ulanmak üçin pamyk süýüminden egrilip taýýarlanan önüm, nah sapak. *Ak ýüplükden, gök erişden, Saçyna ýüpden bag eder* (Kemine).

◊ **Ýüplük ýaly bolmak** gaty horlanmak, inçelmek. *Enesi görse, Zöhre ýüplük ýaly bolupdyr* ("Zöhre – Tahyr").

**ÝÜP-SÜP,***at.* Baglamak, daňmak üçin gerek bolan ýüp, bag, ýüplük. *Aýnek ýüp-süp bilen saralyp, seplenmeginden başga-da, gurnalyp çeňklenipdir* (A. Gowşudow).

**ÝÜP-ÝÜZLEÝ** [ýüp-ýüzlöý], *syp.* Örän ýüzleý.

**ÝÜREK** [ýürök] **I,** *at.* **1.** Adamyň, haýwanyň döş boşlugynyň çep tarapynda ýerleşýän merkezi gan aýlanyş agzasy. **2.** *göç.m.* Adamyň ruhy dünýäsini jemleýän agza. *Şeýle hem bolsa, her sapar ýola atlananda ýüregi ezilýärdi, närahat pikirler üstüni basýardy* (G. Kulyýew) **3.** *göç.m.* Bir ýeriň, ýurduň ýa bir zadyň iň esasy ýeri, merkezi. *Ýurdumyzyň ýüregi Aşgabatda gurulýan binalar diňe bir başga şäherlileri däl, aşgabatlylaryň özünem haýran galdyrýar.* **4.** *göç.m.* Güýç-kuwwat, gaýrat. *Tüweleme, bu işe hötde gelip bilen bolsaň, sende ýürek bar!* **6.** Mis kündügiň iki gapdalynda owadanlyk üçin güberçek edilip goýulýan ýürek şekilli nagyş.

◊ **Ýürege düşmek** halys etmek, irizmek, ýadatmak, bizar etmek. *Horazyň sesi baýyň ýüregine düşdi* ("Türkmen halk ertekileri"). **Ýürege dykyn bolmak** bir zatdan kine galmak. *Onuň aýdan sözleri ýüregime dykyn bolup dur.* **Ýüreginden önen** özünden bolan perzent, çaga. **Ýüregiňden turmak** göwnüňe, islegiňe görä hereket etmek, sözlemek, aýtmak, göwnüňden turmak. *Edil meniň ýüregimden turupsyň, balam!* **Ýüregiň dilinmek** gaty haýpyň gelmek, rehimiň inmek, gaty gynanmak. **Ýüregiň dykylmak** işdäň zat alman, bir hili ýüregiň petiklenen, dolup duran ýaly bolmak. **Ýüregiň ezilmek** gaýgylanmak, pikire batmak, ejizlemek. *Onuň her sapar ýola atlananda, ýüregi ezilýärdi.***Ýüregiňe daş baglamak** näme bolsa, şol bolsun edip, kesgitli karara gelmek, ölsem öleýine salmak. **Ýüregiňe düşmek 1)** aýraçylykda halys göresiň gelmek. *Oglum, seni şeýle bir küýsedim, seni şeýle bir göresim geldi, şeýle bir ýüregime düşdüň!* **Ýürege düşmek 2)** Bizar-peteňiňi çykarmak, iňirdäp ýadatmak, irizmek. *Soňra ýene-de ýagşylyk edenine minnetdarlyk bildirip, halysýürege düşdi* (N.Jumaýew). **Ýüregiňe düwmek** bir işi ýa-da bir zady ýerine ýetireýin diýip, öňünden belli bir karara gelmek, belli bir pikire gelmek. **Ýüregiňe galyp bolmak** *ser.* **Ýüregiňe jüňk bolmak. Ýüregiňe howul düşmek** ýürek daralyp, näme etjegini bilmez ýagdaýa düşmek. **Ýüregiňe jüňk bolmak** göwnejaý, makul bolmak, göwnüňe ýaramak, galyp bolmak. *Kulynyň bu aýdanlary Näzik ejäniň ýüregine jüňk boldy* (A. Durdyýew). *Ýigidiň aýdanlary gyzyň ýüregine jüňk boldy.***Ýüregiň etmezlik** dözmezlik, dözmezçilik etmek. *Karz pul sorap geldi welin, ýene-de berdim-dä, ýüregim etmedi.* **Ýüregiň giňemek** ýüregiň aram tapmak, rahatlanmak, arkaýynlaşmak, ynjalmak. **Ýüregiň gobsunmak** janlanmak, gujur-gaýrat gelmek, höwes döremek. **Ýüregiň gopmak** bir zada juda begenip ýa-da bir zatdan gorkup, howsalaly ýagdaýa düşmek. **Ýüregiň gysmak** tukatlyk duýmak, keýpsiz ýagdaýa düşmek. *Dym-dyrslyk gabap alyp daşyny, Aýlaryň ýüregi gysyp başlady* (B. Kerbabaýew). **Ýüregiň gyýym-gyýym bolmak** ýüregiň awamak, örän gaty gynanmak. **Ýüregiň howlamak** ýüregiň içiňe sygman, sabyr-karar tapmazlyk. **Ýüregiň jiglemek** nämedir bir zady göreniňde ýa-da bir zat hakda eşideniňde gynanyp gitmek. *Ejesiniň zeýrenýändigini eşidip, Baharyň ýüregi jigledi* (A. Gowşudow). **Ýüregiň joşmak** ruhuň göterilmek, höwesiň artmak, möwç almak. *Garybyň ýüregi joşup, Şasenemi taryp edip, bir gazal aýtdy* ("Şasenem – Garyp"). **Ýüregiňi bire baglamak** uzak oýlananyňdan soň belli bir netijä gelmek. **Ýüregiňi (içiňi) dökmek** özüňi alada goýýan zatlaryň baryny aýtmak, gürrüň edip bermek. *Ýüregine dolan derdini döküp, az-da bolsa ony ýeňledesi gelýärdi* (B. Seýtäkow). **Ýüregiň içiňe sygmazlyk** bir zady bilip, görüp-eşidip, dartgynly, aladaly ýagdaýa düşmek. *Göreniňi derrew aýt, oglum, bolmasa ýüregiň içiňe sygman, ýüregiň ýarylyp ölersiň* ("Görogly").**Ýüregiňi eliňe almak** gaty howlukmak, gyssanmak, alňasamak. *Iň bärkije diýjegi: "Sen näme beýle ýüregiňi eliňe alýarsyň. Holha pylanynyň kätmenem ýatyr, goý-da gidiber"*

*diýer* (A. Durdyýew). **Ýüregiňi giňlige salmak** dargursak bolman, giň bolmak, bir zada gaharyňy getirmezlik. *Ýene men ýüregimi giňlige saldym* (T. Gurbanow). **Ýüregiňi gopdurmak** begençden ýa-da gynançdan gaty gorkuzmak, gaty tolgundyrmak. **Ýüregiňi paralamak** jan-dil bilen aýtmak, yhlas bilen, tüýs ýürekden aýtmak. **Ýüregiň karar tapmak** *ser.* **Ýüregiň ýerine gelmek.** *Heý-de karar taparmy, Nurgeldiniň ýüregi, Her günde hamyr ýugrup, gora gömüp çöregi* (M. Seýidow). **Ýüregiň mynçgalamak** **1)** ýürek agyrysyny duýmak, ýüregiň ezilmek. **2)** ýüregiň gysmak, darykmak. *Özüniň oňa bolan mähri ýüregini mynçgalady* (B. Kerbabaýew). **Ýüregiň posuny açmak** göwün açmak, aýdym-saz diňläp hezil etmek, şatlanmak. **Ýüregiň syrylmak** gaty ajykmak, iýesiň gelmek. *Çaý içip, adamlaryň ýürekleri syryldy.* **Ýüregiň takat tapmazlyk** karar tapmazlyk, ynjalmazlyk, rahatlanmazlyk. *Çaşyrýar, üýşürýär öýde her zady, Mundan-da ýüregi tapman takaty* (A. Kekilow). **Ýüregiň ýarylmak** gaty gorkmak, zähräň ýarylmak. *Men-ä: "Näme bolaýdyka?" diýip, ýüregim hem ýaryldy* (H. Derýaýew). **Ýüregiň ýerine gelmek** rahatlanmak, ynjalmak, karar tapmak, arkaýynlaşmak. **Ýüregi urmak (gürsüldemek)***ser.* **Ýüregiň gopmak.***Emma ara näçe ýakynlaşdygyça, Berdiniň ýüregi urup, aýaklary saňňyldamaga başlady* (H. Derýaýew). **Ýüregi ýelli** howsala düşegen, göçgünli, sähel zada gahary gelýän. **Ýürek açmak** birine syryňy aýtmak, içiňdäki oý-pikiriňi gürrüň edip bermek. *Gel, şu gün ikimiz biri-birimiziň öňümizde ýüregimizi açyşaly* (B. Seýtäkow). **Ýürek alyşmak** biri-biriňe ynam bildirmek, syr alyp, syr berişmek. *Maňa ýürek alyşmaga ýürekdeş dost gerek!* (H. Derýaýew). **Ýürek awamak** gaty gynanmak, ýüregiň gyýylmak, nebsiň agyrmak. **Ýürek awusy** iň ýakynyň ölümi bilen bagly ýüze çykýan gynanç, hasrat. *Ol öz töwereginde kimiň baryny-da ýada salman, ýürek awusy bilen hüňürdedi* (B. Kerbabaýew). **Ýürek bilen** yhlas bilen, höwes bilen, bar güýjüň-ukybyny gaýgyrman. *Ol ýürek bilen işleýärdi.* **Ýürek bökdürmek** şatlykly, guwançly ýa-da tolgundyryjy ýagdaýa salmak. *Şol habar onuň ýüregini bökdürmäge başlady.***Ýürek bulamak** bolgusyz söz ýa erbet habar aýdyp gynandyrmak. *Her ýaman söz ýürek bular, Ýagşyny älem arzuwlar* (Magtymguly). **Ýürek bulanmak** ýakmaz zat iýilmegi sebäpli gaýtarjak ýaly bolmak. *– Dat, ördek dost, ýüregim bulanyp, başym aýlanýar – diýip gygyrýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **Ýürek byjyklamak** bir zady ýerine ýetirjek, berjaý etjek bolup, gaty howlukmak, durup bilmezlik. *Gyzy görüp durmasa, ýigidiň ýüregi byjyklap, üzülip barýar* ("Edebiýat we sungat"). **Ýürek çatlamak** gaty howlukmak. *Gözeliň sesini eşidenden bolsa onuň ýüregi çatlady.* **Ýürek çişmek** gaharyň gelmek. *Bu gürrüňe onuň kakasy bilen ejesiniň ýürekleri çişdi* (A. Gowşudow). **Ýürek daglamak** ýürekde dag galdyrmak, gynandyrmak. **Ýürekde arman galmak** edeýin diýen zadyňy edip bilmän ahmyrly bolmak. **Ýürekde dag galmak** bir zatdan ýürekde dert galmak. **Ýürekde dert (düwün) goýmak** *ser.* **Ýürekde dag galmak.***Ýöne, Uzuk elden gidäýse, meniň ýüregimde dert goýar* (H. Derýaýew). **Ýürekde mesgen tutmak** ýürekde ornaşmak, ýerleşmek. *Ýürekde beýle mesgen tutan söýgi, hiý-de, dänermi?* (H. Derýaýew). **Ýürek edip bilmezlik** batyrlyk edip batyrylyp bilmezlik, bogny ysmazlyk, ýöwsellik etmek.*Emma muny çürt-kesik aýdyp oturybermäge ýürek edip bilmedi* (B. Seýtäkow). **Ýürek etden** adamyň dözmezlik, gyýmazlyk, rehimi inmek ýaly duýgulary oýananda aýdylýan aňlatma. **Ýürek sarsdyrmak** *ser.* **Ýürek gopdurmak.**

**ÝÜREK** [ýürök] **II,** *at.* Içinde aýal maşgala, çaga arkaýyn oturar ýaly palasdan, halydan we ş.m. düýäniň howudynyň üstünde edilýän aýlaw. *Oňa ýürek geýdirip, düýebaşlyk dakdylar* (R. Gelenow).

**ÝÜREKBULANYJY** [ýürökbulonjy], *syp.* Ýüregiňe jaý bolmaýan, ýaramaz, bolgusyz (gürrüň, habar we ş.m. hakynda). *"Aslynda şu ýürekbulanyjy gürrüňleri kimden eşitdiň? Şony gizleme-de, maňa aýt" diýip, ol Amangül ejäni gyssap başlady* (N. Pomma).

**ÝÜREKDEŞ** [ýürökdöş], *syp.* **1.** Biri-birine ynanyşýan, biri-biri bilen mähirli gatnaşykda bolan, syrdaş. **2.** Ýürekden turýan, pikirdeş.

**ÝÜREKDEŞLIK** [ýürökdöşlük], *at.* **1.** Ýürekdeş ýagdaýda bolmaklyk, mähirli gatnaşykda bolmaklyk, syrdaşlyk. *Onuň güler ýüzi, sypaýyçylygy, içki medeniýeti, ýürekdeşligi ýurduň baştutany bolup duran adama aýratyn söýgi döredýär* (B. Hudaýnazarow). **2.** Ýürekden turujylyk, pikirdeşlik. *Duşuşyk ýürekdeşlik we birek-birege hormat goýmak ýagdaýynda geçdi.*

**ÝÜREKLI** [ýüröklü], *syp.* Batyr, gaýratly, gaýduwsyz, gorkmazak, batyrgaý. *"Sen ýürekli batyrsyň, bar-da şol kelläni al-da, şu halta sal"diýip, özi gorkup, gaýra çekilip durdy* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Päk ýürekli** gowy niýetli, ýagşy gylykly.

**ÝÜREKLIRÄK** [ýüröklürä:k], *syp.* Birneme ýürekli.

**ÝÜREKLILIK** [ýüröklülük], *at.* Ýürekli bolmaklyk, batyrlyk, edermenlik. *Ýola belet garry at guýrugyny şuwwuldadyp, göni şol aýyrda tutdurdy, bu nähili ýüreklilik. Bu nähili mertlik!* (N. Saryhanow).

**ÝÜREKSE** [ýüröksö] **I,** *at.* Ýürek tutar ýaly sähelçe iýmit. *Muhammet ýürekse edinenden soň, haltasyny ýene-de düýrläp, goltugyna saldy* (K. Işanow).

**ÝÜREKSE** [ýüröksö] **II,** *at, ser.* **Ýürek II.** *Ony şol demde bada-bat ýüreksä salyp, Gaharguly hanyň garyndaşlarynyňka eltipdirler* (N. Pomma).

**ÝÜREKSELIK** [ýüröksölük], *syp.* Ýürekse bolar ýaly (iýmit, az-owlak iýilýän nahar). *Ýürekselik çörek iýmek.*

**ÝÜREKSIZ** [ýüröksüz], *syp.* Batyr däl, gorkak, gaýratsyz.

**ÝÜREKSIZLIK** [ýüröksüzlük], *at.* Batyr dällik, gorkaklyk, gaýratsyzlyk. *Ol ýüreksizligi sebäpli, uly işe baş goşup bilmedi.*

**ÝÜREKSIZRÄK** [ýüröksüzürä:k], *syp.* Ýüreksiz häsiýetli bolmaklyk, ýürekli dällik.

**ÝÜWEL** [ýüwöl], *syp.* Süwümsiz, ýeňil, duzsuz. *Ärden galyp, äre gitjek aýallar, Ýüwel gülüp, saçyn ýaglamak gerek* (Baýly şahyr). *Ol gürrüň ýok ýerinden gürrüň tapyp, ýüwel gülküsi bilen ony aljyradýardy* (N. Pomma).

**ÝÜWELRÄK** [ýüwölürä:k], *syp.* Süwümsizräk, ýeňilräk.

**ÝÜWRÜGRÄK** [ýüwrüğrä:k], *syp.* Öňküsine ýa-da beýlekilere garanda birneme ýüwrük.

**ÝÜWRÜK,** *syp.* Ýyndam, çapgyr, gaty ylgaýan, çalt ýüwürýän, çalasyn. *Güýçli bilen göreşme, ýüwrük bilen ýaryşma* (Nakyl).

◊ **Ýüwrük eller** işde çalasyn we çalt hereket edýän el. *Onuň bir eli keserli, bir eli ýüpli, ýüwrük elleri gözleriniň yzyny eýerýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝÜWRÜKLIK** [ýüwrüklük], *at.* Ýyndamlyk.

**ÝÜWSE** [ýüwsö], *at.* Tikin tikilende süýem barmagyň ujuna geýdirilýän gaýyşdan ýasalan enjam. *Altyn barmagyna ýüwsesini ötürip, keşde etmäge oturdy* (A. Durdyýew).

**ÝÜWSELIK** [ýüwsölük], *syp.* Ýüwse etmek üçin gerekli bolan, ýüwse edilýän. *Ýüwselik gaýyş.*

**ÝÜWÜRDILMEK** [ýüwürdülmök], *işl.* Dokmanyň iki kese agajynyň arasynda erişler gerilmek. *Öýüň gapböwründe ýüwürdilen düýphalynyň üstünde Aýnanyň ýeke özi oturyp, başyny aşak salyp, dokma dokaýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÝÜWÜRDIŞMEK** [ýüwürdüşmök], *işl.***1.** Dokma ýüwürtmäge kömek bermek. *A gyz Nurjahan, şu gün eliň degse, maňa bir dokmajyk ýüwürdişeweri!* (B. Kerbabaýew). **2.** Bilelikde ýüwürtmek. *Olar haly ýüwürdişip otyrdylar.*

**ÝÜWÜRJI** [ýüwürjü], *at.* Aýalyň öz adamsynyň kiçi erkek doganyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Ýüwürjim, ýüwrük atym, Ýüwrüp gelsin ýanyma* (Halk döredijiliginden). *Wah, sesiňden aýlanaýyn, ýüwürjim, ömrüň uzak bolsun, ak gyz ýoldaşyň bolsun!* (A. Durdyýew).

**ÝÜZ I,** *at.* **1.** Adamyň kellesiniň alyn tarapy, öň tarapy. *Ýüz otdan yssy* (Nakyl). *Ýüzüniň nury dökülmesin* (Dileg). *Aý ýüzli gyzymdan, aýy ýüzli gelnim ýagşy* (Nakyl). **2.** Bir zadyň üst tarapy, ýokarsy, üsti; alyn tarapy, öňi. *Çorbanyň ýüzi ýagşy, palawyň düýbi* (Nakyl). *Darajyk ýoda beýik gaýalaryň ýüzi bilen geçýär* (A. Gowşudow). **3.** Matanyň we ş.m. düzüw tarapy. *Ýüň matanyň ýüzi haýsy, çöwresi haýsy, saýgarmak kyn.* **4.** Ýiti zatlaryň kesýän tarapy. *Ýaş ötüşip, paltaň ýüzi gaýdansoň, Çöpem oňa aňsat özün çapdyrmaz* (M. Seýidow). **5.** Bir zadyň, adamyň, haýwanyň we ş.m. özüňe gönügen tarapy. *Ýamanlyk ýüzüni görme (Dileg). Ýamanyň ýoly aňryk, ýagşyň ýüzi bärik bolsun* (Dileg). **6.** "Ýüzüne", "ýüzünde", "ýüzünden" görnüşinde sözsoňy kömekçi bolup gelýär.

◊ **Ýüz bermek 1)** gowy kabul etmek. *Ol biziň ýüz berenimize begenip, örän içgin gürleşdi* (N. Pomma). **2)** bolmak, bolup geçmek (waka hakynda). *Ýüz beren waka.* **Ýüz bermezlik** gadyrsyz garşylamak, sowuksala gatnaşyk etmek, özüňe öwrenişdirmezlik. **Ýüz çytmak** gahar, öýke we ş.m. zerarly, nägileligiňi bildirmek. **Ýüzden perdäni syrmak 1)** utanjy, utançhaýany taşlamak; **2)** paş bolmak, aýan bolmak, syrynyň üsti açylmak. **Ýüz döndermek** aragatnaşygy kesmek, birinden el çekmek, dänmek; boýun towlamak, ýüzüňi sowmak. *Sen üstüňe gelen bagtdanýüz dönderme!* (B. Kerbabaýew). **Ýüze çykarmak** äşgär etmek, aýan etmek, üstüni açmak, aýdyňlaşdyrmak. **Ýüze çykmak** peýda bolmak, emele gelmek, äşgär bolmak, döremek. **Ýüze tutarlygy ýok** derde ýaramaýan, ugursyz edilen, ýaramaz ýerine ýetirilen, ýaramaz. *Onuň alyp gelen zadynyň ýüze tutarlygy ýok.* **Ýüz gören** öň durmuşa çykan (ýaş aýal maşgala). *Ýüz gören diýmeseň, maşgala kemi ýok* **Ýüz görmek** hakyky zady dogry ýüzüne aýdyp bilmezlik, ýüzden geçip bilmezlik. *Ýüz góreniň ýüzi gursun* (Nakyl).**Ýüz görşer ýaly bolmazlyk** *Olar şeýle bir gaty tersleşipdirler, o dünýe, bu dünýe ýüz görşer ýaly bolmandyrlar.***Ýüz görüp, gapyrga syrma** adamdan ýüz görüp, etjegiňi etmän oturma. **Ýüzi açyk** açyk göwünli, mylakatly, güler ýüzli, mähirli, ýakymly. **Ýüzi açylmak 1)** köp adamlar bilen aragatnaşyk edip, çekinjeňligi, ýygralygy taşlamak. *Biraz ýüzi açyldy, sowalyny gaýtalady* (B. Kerbabaýew).**2)** özüni biynjalyk edýän zat ýok bolup, ýüz-gözi ýagtylmak. *Mylaýym söze gamaşyp duran ýüzi açyldy.* **Ýüzi ajan (turşan) hamyr ýaly** kineli. **Ýüzi ak esgä dönmek** *ser.* **Ýüzi ak tam bolmak**gorkmak, gaty gaharlanyp, ýüzi üýtgemek, ýüzünde gan-pet galmazlyk. *Onuň şol wagtky bolşuny söz bilen aýdyp görkezmek hem aňsat däl, ýöne onuň reňki öçüp, ýüzi ak tam bolupdyr* (A. Gowşudow). **Ýüzi boz-ýaz bolmak** duýdansyz bir ýagdaýda erbet utanmak, ýüzüň bir agaryp, bir gyzarmak, utanmak, uýalmak. **Ýüzi dalak ýaly** gaty üşän. **Ýüzi durlanmak** owadanlanmak; sagadyna çykmak. **Ýüzi galyň** aýdylany-diýleni ýüzüne almaýan, utanmazak (adam). **Ýüzi gamaşmak 1)** gaharly, nägile görnüşde bolmak, keýpiň uçmak. *Onuň ýüregi gahar-gazap bilen doldy, ýüzi gamaşdy* (A. Gowşudow). **2)** howa bulutlaşmak. *Howanyň ýüzi gamaşdy.* **Ýüzi gara keçe ýaly** utançsyz, haýaşerimsiz. **Ýüzi gaýtmak 1)** ýüzi zaýalanmak, kütelmek (pyçak, palta we ş.m. hakynda). **2)** guramak, solmak (ot hakynda); *Heniz-ä otuň ýüzi gaýdar ýaly däl* (N. Pomma). **3)** alyjysy azalmak, kynlyk bilen geçmek, gadyrsyzlanmak (haryt hakynda). *Bazarda ol matalaryň hem ýüzi gaýdypdyr, pes bahadanam alanoklar.* **4)** birneme gutulyşmak, gowulaşmak (garamyk, gyzamyk ýaly örgünli keseller hakynda). **Ýüzi, gözi diýmezlik** ýüzbe-ýüz, garşyma-garşy bolmaklyk. *Ynha, özi bar, ýüzi, gözi diýemok, aýtsyn, munuň dilegini bitirmedik wagtym barmy?* **Ýüzi gyzarmak** utanmak.**Ýüzi kölegesiz** juda sary, çypar (adam hakynda). **Ýüzi salyk**

gaýgyly, tukat görnüşli, öýkeli, gamly. *Onuň öňki şatlygy ýok, ýüzi örän salyk.* **Ýüzi suwly 1)** täze, entek könelmedik. **2)** nurana. *Bu adam bir ýüzi suwly kethuda kişi ekeni.* **Ýüzi täzelenmek** guratlanmak, sagdynlaşmak. *Ýüreklerine kuwwat gelip, damarlarynda gan ýöredi, adamlaryň ýüzleri täzelendi* (A. Gowşudow). **Ýüzi tuwakly (ýaly)** utanjaň, haýaly, edepli. **Ýüzi üç ýuwlan ak esgä dönmek** *ser.* **Ýüzi ak tam bolmak.** *Onuň ýüzi üç ýuwlan ak esgä döndi.* **Ýüzi üýtgemek** utanmakdan, gaharyň gelmekden ýaňa ýüzüň reňki üýtgemek. **Ýüzi ýagtylmak1)** ýüzünde şatlyk alamaty peýda bolmak, şatlanmak, begenmek. **2)** sagalyşmak, reňki kesikligi aýrylmak. *Dynç alyp gelenindenmi nämemi, onuň ýüzi ýagtylypdyr.* **Ýüzi ýere berilmek** ýüzin ýykylmak. *Ol daşa büdräp, ýüzi ýere berildi.* **Ýüzi ýok 1)** biriniň ýanynda abraýy, hormaty, sylagy bolmadyk. *Oňa jogap berip bilere biziň ýüzümiz ýok* (B. Kerbabaýew). **2)** bazarda satyn alynmaýan, onçakly geçginli bolmadyk. *Bu günler halynyň ýüzi ýok.* **Ýüzi ýyrtyk** utanyp-çekinip durmaýan. **Ýüz öwürmek** *ser.* **Ýüz döndermek.** *Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme, Barsaň depesine täç eder seni* (Magtymguly). **Ýüz saraltmak** boýun burup, dileg bilen ýüz tutmak, ýalbarmak. **Ýüz sowmak** *ser.* **Ýüz öwürmek.** *Ýaşaşardyk, ýüz sowuşyp ýörmezdik, Hemişe ikimiz bileje gezdik* (M. Seýidow). **Ýüz tapmak** hormatlanmak, gowy kabul edilmek, oňat garşy alynmak. *Görogludan ýüz tapman gelen aga diýerler saňa* ("Görogly"). **Ýüz tutmak** dileg, kömek, haýyş, sorag, maslahat we ş.m. bilen birine ýüzlenmek. **Ýüz tuwagy edinmek** birini gowy adam, gowy işgär we ş.m. hökmünde öňe tutmak, sizden kim bar diýlende, pylany bar diýip, şony görkezmek.*Onuň ýüz tuwagy ediňýäni ýeke sendiň.* **Ýüz urmak** bir işe baş goşmak, bir kär bilen meşgul bolmak. *Aman arap bolsa söweşi düýbünden taşlap, sopuçylyga ýüz uranyny aýdýar* ("Görogly"). **Ýüzünden gan damaýyn diýýär** semiz, ýüzi gyzyl, ýüzi jozzuk ýaly, sagdyn. **Ýüzünden gar ýagmak** ýüz-gözünde rehim-şepagat bolmazlyk, gaharly, örän gazaply bolmak. **Ýüzünden ýüz güjükdoýjak** ýüzi-gözi hapa, çyrşak-çyrşak, hapa (ýaş çaga hakynda).*Ýüzüne serediň, ýüzünden ýüz güjük doýjak* (A. Durdyýew). **Ýüzüne almak** sähelçe zat bildirip durmak, hapalamak. *Ak tam azajyk hapany-da ýüzüne alýar* (N. Saryhanow). **Ýüzüne almazlyk** adýlan dogry söz täsir etmezlik, ondan utanmazlyk. **Ýüzüne atanak dagyny çekmek** hiç derde, hiç zada ýaramaýar diýip hasaplamak, hasapdan çykarmak, peýdasyndan geçmek. **Ýüzüne basmak** etmişini, kemçiligini, günäsini göni ýüzüne aýtmak, ýüzüne diýmek. **Ýüzüne diýmek** näme aýtjak-goýjak bolsaň, her kimiň özüne aýtmak. **Ýüzüne durmak** günäsine şaýat hökmünde, ýüzleşip aýtmak, ýüzleşmek. *Onuň para alandygy hakynda kazyýetde-de ýüzüne duraryn.* **Ýüzüne gara getirmek** öz hereketiň bilen degişli birini masgara etmek. **Ýüzüne garany çekmek** ýaramaz hereketi bilen masgara bolmak.**Ýüzüne gelmek** bolmaýan hereketini ýüzüne aýtmak. *Ol ahyry onuň ýüzüne gelmeli boldy.* **Ýüzüne goýmak** *ser.* **Ýüzüne basmak. Ýüzüne köz degsin** bolşy, häsiýeti halanmaýan adam babatynda aýdylýan aňlatma.**Ýüzüne tüýkürmek** näletlemek. *Wadasyny üflän, lebzini ýuwudan adamyň ýüzüne tüýkürilýän dälmidir?!* (B. Kerbabaýew). **Ýüzüni almak** gaty-gaýrym söz aýdyp göwnüne degmek, azgyrylmak. *Adamyň ýüzüni alyp durmak edepsizlikdir.* **Ýüzüni alyp, ýüzüne goýan (salan) ýaly** meňzeş, edil özi. **Ýüzüni babaly görsün** göni manysy: ýüzüňi öli ýuwýan görsün (biriniň ýüzüni görmek islemeýän ýagdaýyňda aýdylýar). **Ýüzüni gapan keçesi ýaly etmek** aýdylan sözi ýüzüne almazlyk, aýdylan söz täsir etmezlik. *Oňa näme diýeniň parhy ýok, ýüzüni gapan keçesi ýaly edip dur.* **Ýüzüniň bir gat hamy gopmak** gaty erbet utanmak, uýalmak. **Ýüzüniň gany gaçmak** gaharlanmak; gorkmak. **Ýüzüniň hamy galyň** utançsyz, aýdylan-diýleni ýüzüne almaýan, aýdylan söz täsir etmeýän. *Onuň ýüzüniň hamy galyňdy.* **Ýüzüniň perdesi syrylmak 1)** *ser.* **Ýüzi açylmak. 2)** paş edilmek, üsti açylmak, hemmelere äşgär bolmak. **Ýüzüni kese sowmak** *ser.* **Ýüzüni sowmak**. *Ol henizem senden ýüzüni kese sowup ýörmi?***Ýüzüniň ugruna 1)** bada-bat, şol bada, derrew. *Şol halatda ýeňňesi hem siltenjiräp turdy we içini hümledip, ýüzüniň ugruna daşaryk çykyp gitdi* (N. Saryhanow). **2)** gidip barşyna, ýol ugruna, gidişin. *Ýüzüniň ugruna ýegenlerine-de degip geçdi.* **Ýüzüni sallamak** närazy,öýkeli, kineli görnüşde bolmak, öýkelemek. *Obadan hem okuwdan araň ýoluk bolmaly, Diýip ýene Nurgeldi dymdy ýüzüni sallap* (M. Seýidow). **Ýüzüni sapajaklatmak** dogry garap bilmezlik, dogry gelip bilmezlik.**Ýüzüni sowmak** duşan wagty salamlaşman, gürleşmän, ýüzüni öwrüp geçmek.**Ýüzüni sypamazlyk** eden nädogry işini, hereketini ýazgarman goýmazlyk.**Ýüzüni turşatmak 1)** nägileligiňi ýüz çytyp mälim etmek, ýüz çytyp garşy almak. **2)** bulaşmak, gamaşmak, bozulyp başlamak (howa hakynda). *Gyş howasy kem-kem ýüzün turşatdy* (D. Baýmyradow). **Ýüzüni ýere basmak (salmak)** äsgermän, diýen etmän birini masgara etmek. **Ýüzüni ýuwmak 1)** biriniň etmişini delile getirjek bolmak, gowudyr diýmek. **2)** suwy süýjemek, bişip başlamak (üzüm hakynda). *Terbaş eýýäm ýüzüni ýuwupdy.* **Ýüzüň çydamazlyk** ynsabyň çatmazlyk, wyždanyň etmezlik. **Ýüzüň düşmek 1)** arzuw eden zadyňa ýetmek; bir zada eýe bolmak, zat edinmek. *Meniňem agtyga ýüzüm düşsün-dä.* **2)** sataşmak, ýene-de duşuşmak, görüşmek. *Möwlam, ýetir mesgenime, ýurduma, Ýüzüm düşsün arslanyma, gurduma* (Magtymguly). **Ýüzüňe almazlyk** aýdylan-diýlen täsir etmezlik, ýokna ýokmazlyk, utanmazlyk. **Ýüzüň ganyny gaçyrmak** gaharyň gelip, ganyň gyzmak. **Ýüzüň gyzarmak** örän utanmak, uýalmak. *Weziriň bolsa gaty gahary gelipdir we utanjyna ýüzi gyzarypdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **Ýüzüň gyzmak** *ser.* **Ýüzüň gyzarmak. Ýüzüňe sylmak** iki eliňi ýazgyn ýagdaýyňda ilki sylýan zadyňa baka tutup, soňra şonuň ýaly edip, öz ýüzüňe degirmek.

*Ene durup, barýan gelnalyjyny ýüzüne syldy.* **Ýüzüňi aşak salmak** müýnlüdigiňi ýa-da närazylygyňy bildirmek, nadyl bolmak. *Emma hiç bir zat aýdyp bilmän, ýüzüni aşak salyp otyr* (H. Derýaýew). **Ýüzüňi garaňka tutmak** garaňkynyň öň ýanynda bir ýere ugramak. *Ýüzüni garaňka tutup gelen atlynyň kimdigini, nireden gelip, nirä barýandygyny soramagy soňa goýan Halyl aga myhmanyň atyny tutmagy inisine tabşyryp, sekiz ganat ak öýe tarap ýöneldi* (N. Gurbanmyradow). **Ýüzüňi gyjakçyň ýüzi ýaly etmek** gürrüňdeşiňe göwnüň ýetmän ýa-da onuň gürrüňine pisint etmän, äsgermezçilik bilen ýüzüňi kese-kese sowmak. *Näme, ýüzüňi gyjakçyň ýüzi ýaly edip otyrsyň?* **Ýüzüňi sallamak** *ser.* **Ýüzüňi aşak salmak. Ýüzüňi sortdurmak** nägile bolmak, öýke etmek, torsarmak. **Ýüzüňi ton ýarym edip oturmak** ýüzüňi agryljyradyp, agrassyrap gomparyp oturmak. **Ýüzüňi ýalap barmak** örän ýiti sowuk bolmak. **Ýüzüň üstünde burnuň bar diýmezlik** edenine däl diýmezlik, seniňki telek diýmezlik. *Näme etseň hem indi biz saňa "ýüzüň üstünde burnuň bar" diýmäli diýip, sözüne başlady* (A. Gowşudow). **Ýüzüňi ýokaryk (göge) tutmak** ulumsylyk etmek, özüňi hondanbärsi görkezjek bolmak, men-menlik etmek, gopbamsyramak.

**ÝÜZ II,** *san.* 100 belgisi bilen aňladylýan san we mukdar. *Ýüzden ýüwrük çykar, müňden – tulpar* (Nakyl). *Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda, Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir* (Magtymguly).

◊ **Ýüz başly öý** ýüz sany ukly öý. **Ýüz öwüsmek** üýtgäp durmak, belli bir pikirde bolmazlyk, durnuksyzlyk etmek.

**ÝÜZBAŞY** [ýüzvaşy], *at, taryh.* Ýüz adamdan ybarat goşun bölüminiň ýolbaşçysy.

**ÝÜZBE-ÝÜZ** [ýüzvö-ýüz], *hal.* Garşyma-garşy, ýüzleri biri-birine bakyp duran, pete-pet *Bir gün maňa ol gelin bilen ýüzbe-ýüz durup, gepleşmek hem miýesser boldy* (T. Taganow).

**ÝÜZDEN** [ýüzzön]: **ýüzden pylança göterim (bölek) 1)** birlik hökmünde kabul edilýän bitewi sanyň ýüzden bir bölegi (% belgisi bilen bellenýär). **2)** bir zadyň ýüzden bir bölegi tertibinde ölçelýän hem-de birlik hökmünde kabul edilen mukdar.

**ÝÜZDÜRMEK** [ýüzzürmök] **I,** *işl.* **1.** Ýüzmek hereketini etdirmek. *Mugallym okuwçylary suwda ýüzdürmäge alyp gitdi.* **2.** Ýüzmegine sebäp bolmak, ýüzmäge mejbur etmek. *Güýçli gelen doly oýtagy doldurdy, gawunlary ýüzdürdi.* **3.** Ýüzmäge mümkinçilik bermek. *Suwda ýüzdürmek.*

**ÝÜZDÜRMEK** [ýüzzürmök] **II,** *işl.* Malyň derisini ýumruk bilen ýüzüp aldyrmak, soýdurmak.

**ÝÜZGÖRÜJI** [ýüzğörüjü], *syp.* Ýüz görüp iş salyşýan, ýüzden geçip bilmeýän adam. *Ýüzgörüji adam.*

**ÝÜZ-GÖZ** [ýüz-göz]**: ýüz-gözbolmak** biri-biriňe ýüzbe-ýüz bolmak, biri-biriňi görüp durmak.

**ÝÜZGÜR** [ýüzğür], *syp.* Suwda ýüzmäge ökde, ýüzmäge örän türgenleşen, ýüzüji. *Ýüzgür oglan.*

**ÝÜZGÜRLIK** [ýüzğürlük], *at.* Suwda ýüzmäge ökdelik, ýüzmäge türgenlik. *Bu derýadan ýüzüp geçmek üçin, örän ýüzgürlik gerek.*

**ÝÜZIN** [ýüzüýn], *hal.* Ýüz, alyn, göwre tarapy ýere tarap, ýüzüni aşak edip. *Onuň dyzy hem bir zada degip, ýüzin ýykyldy* (A. Gowşudow).

◊ **Ýüzin salmak** ýüzüniň ugruna gaty çapyp gitmek, aýak aldygyna gitmek. *Arap zaňňar atyny ýüzin salyp gelýär* ("Görogly").

**ÝÜZLEGRÄK** [ýüzlöğürä:k], *syp.* Az-kem ýüzlek. *Ata-da bir ýüzlegräk adam-da.*

**ÝÜZLEK** [ýüzlök], *syp.* Birine bir zady göni aýtmaga utanýan, ýygra, çekinjeň, utanjaň.

**ÝÜZLEKLIK** [ýüzlöklük], *at.* Ýüzlek häsiýetlilik, ýüzlek bolmaklyk. *Ýüzlekligiň sebäpli özüňe agram saldyň.*

**ÝÜZLEME** [ýüzlömö], *iş ady.* **1.** Ýüzlemek ýagdaýy. **2.** Keçäniň nagşy salnyp bolanyndan soň, ýüzüne ak ýüň salma. *Keçäniň ýüzlemesi galdy.* **3.** Ýorganyň, düşekçäniň we ş.m. daşyna mata çekme.

**ÝÜZLEMEK** [ýüzlömök], *işl.* **1.** Ýorganyň, düşekçäniň, içmegiň we ş.m. daşyna, ýüzüne ýüzlük matasyny çekmek. *Ýorgan ýüzlemek. Içmegiň daşyny gara atlaz bilen ýüzlemek.* **2.** Güllі keçe salnanda nagyşlaryň üstüne gowy ak ýüňden goýmak. *Agşam keçe ýüzledik.*

**ÝÜZLEMEKLIK** [ýüzlömöklük], *iş ady.* Ýüzlemek ýagdaýy.

**ÝÜZLENDIRMEK** [ýüzlönnürmök], *işl.* Ýüzlenmäge mümkinçilik bermek, ýol bermek.

**ÝÜZLENME** [ýüzlönmö] **I,** *iş ady.* Ýüzlenmek ýagdaýy.

**ÝÜZLENME** [ýüzlönmö] **II,** *at.* Ýurt baştutanyna, köpçülige ýa-da, umuman, halka ýüz tutulyp aýdylýan söz, haýyş, çagyryş.

◊ **Ýüzlenme belgisi** ýüzlenme sözleminden soň goýulýan belgi (!). **Ýüzlenme sözlemi** güýçli içki duýgyny (begenji, şatlygy, gynanjy, ökünji, arzuwy, islegi, haýran galmagy, buýurmagy we ş.m.) aňlatmak üçin ulanylýan sözlem.

**ÝÜZLENMEK** [ýüzlönmök], *işl.* **1.** Bir tarapa ugramak, ýönelmek, gitmek, bir ugra hereket etmek. **2.** Ýüz tutmak, çagyryş, çykyş, haýyş bilen söz aýtmak. **3.** Ýüzüne mata çekilmek, tutulmak.

**ÝÜZLENMEKLIK** [ýüzlönmöklük], *iş ady.* Ýüzlenmek ýagdaýy. *Ýaşula ýüzlenmekligiňem, ýaşkiçä, aýal-gyza ýüzlenmekligiňem däplerini halkymyz kemsiz ösdüripdir.*

**ÝÜZLENMEZLIK** [ýüzlönmözlük], *iş ady.* Ýüzlenmän durmak, ýüzlenmekden saklanmak.

**ÝÜZLERÇE** [ýüzlörçö], *hal.* Ençeme ýüzden ybarat, birnäçe ýüz. *Daýhan birleşikleriniň ikisi, gallaçy kärendeçileriň ýüzlerçesi döwlete bugdaý satmak tabşyryklaryny artygy bilen berjaý etdi* ("Türkmenistan").

**ÝÜZLEŞDIRMEK** [ýüzlöşdürmök] **I,** *işl.* **1.** Iki adamy ýüzbe-ýüz edip, meseläni çözmek, anyklamak, biri-biriniň ýüzüne duruzmak. **2.** *hukuk.* Günäkäri şaýat bilen ýüzbe-ýüz edip sorag etmek.

**ÝÜZLEŞDIRMEK** [ýüzlöşdürmök] **II,** *işl.* Hemmesini ýüzläp çykmak. *Keçeleri ýüzleşmek.*

**ÝÜZLEŞME** [ýüzlöşmö], *iş ady.* Ýüzleşmek ýagdaýy.

**ÝÜZLEŞMEK** [ýüzlöşmök] **I,** *işl.* **1.** Ýüzlemäge kömek etmek. *Men goňşyma ýorgan ýüzleşdim. Keçe ýüzleşdim.* **2.** Bilelikde ýüzlemek.

**ÝÜZLEŞMEK** [ýüzlöşmök] **II,***işl.***1.** Ýüzbe-ýüz goýup, meseläni anyklamak. *Olar biri-biri bilen ýüzleşipdiler.* **2.** *hukuk.* Şaýat ýa-da günäkär bilen ýüzbe-ýüz gürleşmek.

**ÝÜZLEŞMEKLIK** [ýüzlöşmöklük], *iş ady.* Ýüzleşmek ýagdaýy.

**ÝÜZLEŞMEZLIK** [ýüzlöşmözlük], *iş ady.* Ýüzleşmän durmak.

**ÝÜZLETMEK** [ýüzlötmök], *işl.* Ýüzlemek işini başga birine etdirmek. *Ýorganyň ýüzüni ýüpek mata bilen ýüzletmek.*

**ÝÜZLEÝ** [ýüzlöý], *syp.* **1.** Çuň däl, bir zadyň ýüzüne golaý, ýüzräginde. *Ýeriň ýüzi gapaklanda, ýüzleýje dyrmyklamaly.* **2.** *göç.m.* Düýpli däl. *Meselä ýüzleý çemeleşmeli däl.* **3**. Sowuk-sala, geleňsiz. *Işi ýüzleý gözden geçirmek bolmaz.*

**ÝÜZLEÝIŞ** [ýüzlöýüş], *iş ady.* Ýüzlemek ýagdaýy.

**ÝÜZLEÝRÄK** [ýüzlöýrä:k], *at.* Öňküsine ýa-da beýlekilere garanda birneme ýüzleý. *Meselä ýüzleýräk çemeleşilipdir.*

**ÝÜZLÄP** [ýüzlä:p], *hal.* Ýüze golaý, ýüz töweregi, ýüzlerçe. *Her çigitden ýüzläp goza öndürýär, Otap, dökün döküp, suwa ýakaňda* (N. Pomma).

**ÝÜZLI** [ýüzlü], *syp.***1.** Ýüzi, ýüz tarapy bar bolan. *Ýüň matalar, köplenç, bir ýüzli bolýar.* **2.** *göç.m.* Biriniň ýanynda sylagy, hormaty bar, sözi diňlenýän, abraýly. *Kömek özüniň ýanynda ýüzli bolan adamlara özüniň ahyrky jogabyny berdi* (N. Saryhanow).

◊ **Ýüzli bolmak** hormatly bolmak.

**ÝÜZLÜRÄK** [ýüzlürä:k], *syp.* Birneme ýüzli (*ser.* **Ýüzli 2**).

**ÝÜZLÜK I,** *at.* Ýüz manatlyk tutuş kagyz pul.

**ÝÜZLÜK II,** *syp.* **1.** Ýorganyň, geýimiň we ş.m. ýüzüne tutmak, çekmek üçin (mata). *Ýüzlük mata.* **2.** Keçe salnanda, ýüzüne goýmak üçin niýetlenen (ýüň). *Ýüzlük ýüň.*

**ÝÜZLÜLIK** [ýüzlülük], *at.* Biriniň ýanynda ýüzli bolmaklyk.

**ÝÜZME** [ýüzmö] **I,** *iş ady.* Ýüzmek ýagdaýy. *Suwda ýüzme.*

**ÝÜZME** [ýüzmö] **II,** *iş ady.* Ýüzmek ýagdaýy.

**ÝÜZMEK** [ýüzmök] **I,** *işl.* **1.** Eliň, aýagyň kömegi bilen suwda her tarapa hereket edip bilmek. *Gurbaga hem suwa girip, beýleki gyrasyna tarap ýüzüp ugrapdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). *Ýaryşa gatnaşýan ýaş oglanlaryň suwda erkin ýüzmek boýunça çykyşlary boldy.* **2.** Suwuň ýüzi bilen gitmek, suwuň ýüzi bilen hereket etmek (gämi, gaýyk, we ş.m. hakynda).

**ÝÜZMEK** [ýüzmök] **II,** *işl.* Malyň derisiniň aşagyna eliňi sokup, soýup aýyrmak, soýmak, derisini sypyrmak. *Goýny ýüzmek.*

**ÝÜZMEKLIK** [ýüzmöklük], *iş ady.* Ýüzmek ýagdaýy.

**ÝÜZMEZLIK** [ýüzmözlük], *iş ady.* Ýüzmek işini ýerine ýetirmezlik.

**ÝÜZSÜZ** [ýüssüz], *syp.* **1.** Ýüzi, ýüz tarapy bolmadyk. **2.** *göç.m.* Biriniň ýanynda sylagy, hormaty bolmadyk, sözi diňlenmeýän, abraýsyz. *Ol özüni bu gelniň ýanynda ýüzsüz hasaplaýardy.*

**ÝÜZSÜZLIK** [ýüssüzlük], *at.* Biriniň ýanynda sylagsyzlyk, hormatsyzlyk, abraýsyzlyk.

**ÝÜZUGRA** [ýüzuğro], *hal.* Bir ýere barylýarka, degip geçme görnüşinde; başga bir mesele garalýarka, ýüzüniň ugruna, gep ugruna. *Ýüzugra ýatlamak.*

**ÝÜZÜGARA** [ýüzüğara], *syp.* Umumy, adaty, ýörelgäni, düzgüni bozany üçin aýyply, etmişli, günäli.

◊ **Ýüzügara bolmak** masgara, biabraý bolmak, aýyply, utançly bolmak. **Ýüzügara etmek** masgara, býabraý etmek.

**ÝÜZÜGARALYK** [ýüzüğaralyk], *at.* Ýüzügara bolmaklyk, umumy ýörelgäni, düzgüni bozujylyk, aýyplylyk, etmişlilik, günälilik. *Ot ýanar-öçer, ýüzügaralyk kömre galar* (Nakyl). *Ýüz goýun tükener, ýüzügaralyk tükenmez* (Nakyl).

**ÝÜZÜJI** [ýüzüjü], *at, ser.* **Ýüzgür.** *Ýüzüjiler suw howdanynyň erňeginde taýýar bolup durlar.* **2.** Suwuň ýüzünde ýüzüp ýören. *Ýakyn wagtlarda ýene-de bir ýüzüji köpri guruljak.*

**ÝÜZÜJILIK** [ýüzüjülük], *syp., ser.* **Ýüzgürlik.**

**ÝÜZÜK,** *at.* **1.** Barmaga ötürilýän,kümüşden, gyzyldan ýa-da beýleki zatlardan ýasalan, gaşly ýa gaşsyz halka. *Meňli gyzyň ýüzügine, Gaşlar goýsam kümüş bile* (Magtymguly). **2.** *göç.m.* Toýda çakgy, ýüzük we ş.m. zat gizlenip, iki tarap bolup oýnalýan oýnuň ady we şol gizlenýän zat, ýüzük bukdy, çeke-çeke, keçe-keçe. *Ýüzük oýunçylary bolsa baýrak hantamady* (A. Gowşudow).

**ÝÜZÜKÇI** [ýüzükçü], *at.* Ýüzük oýnuna gatnaşyjy. *Ýüzük şundan çykmasa, meniň ýüzükçi bolmadygym.*

**ÝÜZÜNJI** [ýüzünjü], *san.* 100 sanyndan ýasalan tertip san. *Gazetiň ýüzünji sany.*

**ÝÜZÜŞDIRMEK** [ýüzüşdürmök], *işl.* Birnäçe malyň derisini ýüzüp, soýup aýryşdyrmak.

**ÝÜZÜŞMEK** [ýüzüşmök] **I,** *işl.***1.** Ýüzmekde ýaryşmak. *Ýaş oglanlar güýç synanyşmak üçin suwda ýüzüşdiler.* **2.** Bilelikde ýüzmek.

**ÝÜZÜŞMEK** [ýüzüşmök] **II,** *işl.* Ýüzmäge kömek etmek. *Men olara öküziň hamyny ýüzüşdim.*

**ÝÜZ-ÝÜT**: **ýüz-ýütüň bolmazlyk** biriniň ýanynda hormatyň bolmazlyk, sylanmazlyk.

**ÝÜZÝYLLYK,***at.* Ýüz ýyla deň bolan wagt, asyr.

**ÝYGALMA** [ýyğalma], *iş ady.* Ýygalmak ýagdaýy. *Ýolagçy ulaglarynyň gatnawynyň ýygalmasy irden we ikindin bolýar.*

**ÝYGALMAK** [ýyğalmak], *işl.* **1.** Ýygy bolmak, arasy ýakynlaşmak, biri-birine golaý bolmak, gürelmek. **2.** Ýygy-ýygydan bolmak, tiz-tizden bolup durmak, tizleşmek. *Hatar aralary ýygalýar. Kitap çykmasy ýygalyp ugrady.*

**ÝYGALMAZLYK** [ýyğalmazlyk], *iş ady.* Ýygalman durmak.

**ÝYGALTDYRMAK** [ýyğaltdyrmak], *işl.* Ýygalar ýaly etdirmek. *Hatar aralaryny ýygaltdyryp ekdirmegiň hasyla uly peýdasy bar.*

**ÝYGALTMAK** [ýyğaltmak], *işl.* **1.** Arasyny ýakyn etmek, biri-birine golaýlatmak, gür etmek. *Hatarlaryň arasyny ýygaldyp ekip, ýokary hasyl almagy gazandy.* **2.** Ýygy-ýygydan barmak, tiz-tizden geçirmek, tizleşdirmek.

**ÝYGALYŞ** [ýyğalyş], *iş ady.* Ýygalmak ýagdaýy.

**ÝYGDYRMAK** [ýyğdyrmak], *işl.* **1.** Ýygmak işini başga birine etdirmek. *Pagta ýygdyrmak. Ot ýygdyrmak. Gül ýygdyrmak.* **2.** Ýygmagyna sebäp bolmak. *Bişmedik garpyzy sen ýygdyrdyň.* **3.** Ýygmaga mümkinçilik bermek. *Bu howada ot ýygdyrarmyka?*

**ÝYGDYRTMAK** [ýyğdyrtmak], *işl., ser.* **Ýygdyrmak**. *Pagtany ýygdyrtmak. Bede üçin ot ýygdyrtmak.*

**ÝYGJAM** [ýyğjam], *syp.* Arasy örän ýakyn,

**ÝYGJAMLAMAK** [ýyğjamlamak], *işl.* **1.** Bir ýere, bir zada golaýlaşmak, ýakynlaşmak, aralygy gitdigiçe ýakynlaşdyrmak. *Ikinji orunda gelýän at pellehana ýakynlaşdygyça arany ýygjamlap barýardy.* **2.** Tiz-tizden bolmak, hereketiň arasy gitdigiçe ýakynlaşmak, çaltlaşmak. *Tolkunyşýan bulutlar çaknyşyp, yzly-yzyna ýyldyrym çakyp, gögüň gürlemesi ýene ýygjamlady* (A. Gowşudow).

**ÝYGJAMLANDYRMAK** [ýyğjamlannyrmak], *işl.* Ýygjamlanar ýaly etmek. *Howlugyp barýan ýigit gitdigiçe ädiminiň arasyny ýygjamlandyrdy.*

**ÝYGJAMLANMAK** [ýyğjamlanmak], *işl.* Ýygjam häsiýete eýe bolmak, ykjamlanmak. *Elbent bagşy rast oňaýlap, syçana topuljak pişik ýaly ýygjamlaşyp, ýygjamlaşyp, birden ýorganyň üstüne zyňdy, eýeriň üstüne galyp boldy* ("Nejep oglan").

**ÝYGJAMLAŞDYRMAK** [ýyğjamlaşdyrmak], *işl.* **1.** Aralaryny ýakynlaşdyrmak, biri-birine golaýlaşdyrmak, ýygy etmek. *Doly haltalary ýygjamlaşdyryp goýmaly.* **2.**Hereketiň arasyny ýygylaşdyrmak. *Ol öýüniň ýakynlaşdygysaýy barha ädimlerini ýygjamlaşdyrdy.*

**ÝYGJAMLAŞMAK** [ýyğjamlaşmak], *işl.* **1.** Arasy ýakynlaşmak, biri-birine golaýlaşmak. *Pellehana golaýlaşdygyça atlaryň arasy ýygjamlaşýardy.* **2.**Ýygy-ýygydan bolup başlamak, hereketiň arasy ýygylaşmak, çaltlaşmak. *Şol günden başlap, olaryň duşuşygy ýygjamlaşdy* (G. Kulyýew).

**ÝYGJAMLATDYRMAK** [ýyğjamlatdyrmak], *işl.,ser.* **Ýygjamlatmak.**

**ÝYGJAMLATMAK** [ýyğjamlatmak], *işl.* Ýygjam etmek.

**ÝYGJAMLAÝYŞ** [ýyğjaýyş], *iş ady.* Ýygjamlamak ýagdaýy.

**ÝYGJAMLYK** [ýyğjamlyk], *at.* Arasy örän ýakynlyk, ýygylyk, biri-birine has golaýlyk.

**ÝYGJAMRAK** [ýyğjamyra:k], *syp.* Bolmalysyndan ýa beýlekilere görä ýygjam.

**ÝYGMA** [ýygma], *iş ady.* Ýygmak ýagdaýy. *Pagta ýygma. Ot ýygma.*

**ÝYGMAK** [ýyğmak], *işl.* **1.** Ýygym işlerini geçirmek, ýygnap hasylyny almak. *Pagta ýygmak, däne ormak daýhanyň bagry badaşan işleri.* **2.** Gözläp tapyp almak, üýşürmek. *Üç sany gyz meýdana ýuwa, kömelek we şulara meňzeş zatlar ýygmaga gidipdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **3.** Mal, mülk, pul we ş.m. zatlary ýygnamak, toplamak. *Gapyl adam ogly, saňa bu maldan, Ne peýdadyr, ýygar, ýygşyr gider sen!* (Zelili). **4.** Ýygym almak. *Ýygymyny ýygmak.* **5.** Saklamak; erkine goýbermezlik. *Nebsini ýygan soltan bolar* (Nakyl). *Diliňi ýyg!*

**ÝYGMAKLYK** [ýyğmaklyk], *iş ady.* Ýygmak ýagdaýy.

**ÝYGNAK** [ýyğnak], *at.* **1**.Bir meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin guramanyň, edaranyň agzalarynyň umumy ýygnanyşygy, maslahat. **2.** *syp.* Biri-birine ýakyn, ýygjam.

◊ **Ýygnak ýönekeý sözlem** *dil b.* diňe eýe bilen habardan ybarat bolan sözlem.

**ÝYGNALMAK** [ýyğnalmak], *işl.* **1.** Ýygnalyp alynmak; goýulmak, eýe çykylmak. **2.** Üýşmek, toplanmak, jem bolmak. *Bu ýerde dürli eýýamlara degişli tapyndylar ýygnalandyr* ("Türkmenistan").

**ÝYGNAMA** [ýyğnama], *iş ady.* **1**. Ýygnamak ýagdaýy. **2**. Böleklerden ýygnalyp gurulýan, düzülýän. *Daýanç diregleri üçin kärhanalarda ýasalan ýygnama demir-daş binýatlary ulanylýar.*

**ÝYGNAMAK** [ýyğnamak], *işl.* **1.** Hasylyny ýygnap almak, hasylyny ýygnap toplamak. **2.** Gizläp goýmak, ýygşyrmak, ýaşyrmak. *Me, muny öňki ýerinde ýygna-da goý!* (N. Saryhanow). **3.** Bir ýere jemlemek, üýşürmek, toplamak. *Adamlary ýygnamak.* **4.** Ýygym almak, salgyt toplamak. *Hüşür-zekat ýygnamak.* **5.** Hossarlyk edip, öz ýanyňa almak. *Atanyň uly agasy, Bizi ýygnady ýanyna* (A. Nyýazow). **6.** Artdyryp, tygşytlap goýmak, beýläňe geçirmek, artdyryp toplamak (pul, mal, mülk hakynda). *Ýygnan – sygnar* (Nakyl). **7.** *gepl.d.* Türmä salmak, tutmak, basmak. **8.** Ýerli-ýerinde goýmak, tertibe salmak, dagaşyp ýatan zatlary tertipleşdirmek. *Içeri-daşaryny ýygnadyk.* **9.** *göç.m.* Eýelik etmek, saklamak. *Her kim özüne degişli dogan-garyndaşyny ýygnady.* **10**. Kem-kemden toplanmak, üýşmek, iriň kültemek. *Ýara iriň ýygnaýar.*

**ÝYGNANMAK** [ýyğnanmak], *işl.* Bir ýere toplanmak, jemlenmek, üýşmek. *Adamlar ýowar geçiriljek ýere ýygnandylar.*

**ÝYGNANYŞMAK** [ýyğnanyşmak], *işl.* Ýygnanmak, üýşmek.

**ÝYGNANYŞYK** [ýyğnanşyk], *at.* **1.** Bir mesele, iş we ş.m. barada köpçülikleýin edilýän maslahat, mejlis, ýygnak. *Tejribe geçýän talyplar öz ýygnanyşygynda gündelik ýöredişleri hakynda pikir*

*alyşdylar.* **2.** Toý-tomaşa, oturylyşyk, çakylyk, üýşmeleň. *Ýygnanyşygy dynç gününde geçirmeli etdik.*

**ÝYGNAŞDYRMAK** [ýyğnaşdyrmak], *işl.* Bir ýere jemleşdirmek, tertipli edip, bir ýere goýuşdyrmak, ýerli-ýerinde goýuşdyrmak. *Içerini ýygnaşdyrmak.*

**ÝYGNAŞMAK** [ýyğnaşmak], *işl.* **1.** Ýygnamaga kömek bermek. *Hasyl ýygnaşmak.* **2.** Bilelikde ýygnamak. *Olar gaplary ýygnaşyp ýör.*

**ÝYGNATDYRMAK** [ýyğnatdyrmak], *işl., ser.***Ýygnatmak**. *Galla hasylyny öz wagtynda isripsiz ýygnatdyrmak.*

**ÝYGNATMAK** [ýygnatmak], *işl.* **1.** Ýygnap aldyrmak. *Toýuň beýemçisi ýere ýazylan halydyr keçeleri ýygnatdy.* **2.** Gizletmek, ýaşyrtmak. *Ene çagalar gelmänkä, tikinçilere iňňe-temenleri ýygnatdy.* **3.** Jemletmek, bir ýere üýşürtmek. **4.** Salgyt, ýygym we ş.m. toplatmak. *Ýygym ýygnatmak.* **5.** Hossarlyk etdirmek, ugruna sereder ýaly etmek. **6.** Pul, zat we ş.m. serişde üýşürtmek. **7.** *gepl.d.* Tertip-düzgüne seredýän guramalara tabşyryk berip tutdurmak. **8.** *göç.m.* Tertibe salmak, arassalamak. **9.** Kem-kemden üýşürtmek, toplatmak. *Ýabyň öňüni bekläp, iki-üç günde birneme suw ýygnatdy.*

**ÝYGNAÝJY** [ýyğnaýjy], *at.* Toplaýjy, toplap bir ýere üýşüriji, gurnaýjy. *Bu ýaşuly öň harp ýygnaýjy bolup işläpdir.*

**ÝYGNAÝYŞ** [ýyğnaýyş], *iş ady.* Ýygnamak ýagdaýy.

**ÝYGRA** [ýyğra], *syp.* Utanjaň, çekinjeň, uýaljaň. *Ýygra ýigit.*

**ÝYGRALYK** [ýyğralyk], *at.* Utanjaňlyk, çekinjeňlik, uýaljaňlyk.

**ÝYGRARAK** [ýyğrara:k], *syp.* Çalarak ýygra. *Bu ýigit dostlaryndan ýygrarak eken.*

**ÝYGRYK** [ýyğryk], *syp.* Ýygyrt-ýygyrt, epin-epin bolan, ýygrylan.

**ÝYGRYKMA** [ýyğrykma], *iş ady.* Ýygrykmak ýagdaýy.

**ÝYGRYKMAK** [ýyğrykmak], *işl.* **1.** Utanjaňlyk etmek, utanmak, çekinmek, uýalmak. *Ol öten agşam öýlerine aýsyz garaňky gijäniň sagat birlerinde geldi we özüniň şeýle giç gelmeginden birjik-de ýygrykman, gapylaryny gaty-gaty kakdy* (N. Saryhanow). **2.** Ýaýdanjaňlyk bilen hereket etmek, ätiýaç etmek. *Durdymyrat özüniň ýygrykmagyndan reňkini ak tam edip, derrew geldi* (N. Saryhanow). **3.** Ürkmek, biri-birine gysmyljyraşyp gorkuly durmak, ýygrylmak (süri hakynda). *Süri ýarygije ýygrykdy.*

**ÝYGRYKMAKLYK** [ýyğrykmaklyk], *iş ady.* Ýygrykmak ýagdaýy.

**ÝYGRYK-ÝYGRYK** [ýyğryk-ýyğryk], *ser.* **Ýygyrt-ýygyrt**.

**ÝYGRYLJYRAMAK** [ýyğryljyramak], *işl.* **1.** Utanjyramak, çekinjeňräk bolmak, uýaljyramak. *Emma ýygryljyrap, utanýan ýaly ýüzüni öwürýär.* **2.** Üşemek ýa-da näsaglyk zerarly birneme ýygrylmak, bükütmek. *Näme beýle ýygryljyrap dursuň?*

**ÝYGRYLMAK** [ýyğrylmak], *işl.* **1.** Ýygyrt atmak, gasyn-gasyn bolmak, gasyn atmak, epin tutmak. *Ol köýneginiň ýygrylan ýerlerini ýazyp başlady.* **2.** Üşemek ýa-da näsaglyk zerarly bükülmek, çugutdyrmak. *Ogulgerek sowukdan gorkusyna ýorganyň içinden elini-aýagyny çykaryp bilmän, ýygrylyp ýatyşyna, gijäniň bir wagtlary oýandy* (N. Saryhanow). **3.** *ser.* **Ýygrykmak I.** *Men bolsa düşnüksiz ýygrylýan kem-kem. ...Şeýle ajap adam bagta mätäçkä, Adam öz bagtyndan utanjak eken* (K. Gurbannepesow). **4.** Ürküp, biri-birine gysylyşyp durmak. *Süri ýygryldy.*

**ÝYGŞYRMA** [ýyğşyrma], *iş ady.* Ýygşyrmak ýagdaýy.

**ÝYGŞYRMAK** [ýyğşyrmak], *işl.* Bir zady görünmez, bilinmez ýaly bukup goýmak, ýygnap goýmak, gizlemek, ýaşyrmak. *Sen ýygşyryp, maňa aýtmajak bolýarsyň, derrew tap!* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝYGŞYRMAKLYK** [ýyğşyrmaklyk], *iş ady.* Ýygşyrmak ýagdaýy.

**ÝYGŞYRYLMAK** [ýyğşyrylmak], *işl.* Gizlenip goýulmak, ýygnalmak. *Olarda ýygşyrylyp goýlan zat köp.*

**ÝYGY** [ýyğy], *syp.* **1.** Aralary ýakyn, golaý bolan, gür. *Agaçlaryň arasy ýygy bolupdyr.* **2.** Tiz-tiz bolýan, tiz, çalt bolup geçýän. *Ýolagçy ulaglary ýygy gatnaýar.*

**ÝYGYJY** [ýyğyjy], *at.* **1.** Çaphanada harp ýygýan işçi. *Ol harp ýygyjy bolup işleýärdi* (B. Kerbabaýew). **2.** *ser.* **Ýygymçy.** *Her bir pagta ýygyjy, Gurban aganyň ýa-da Jumagülüň ýanyndan ýygmak isleýärdi* (A. Durdyýew).

**ÝYGYLAMAK** [ýyğylamak], *işl.* Arasyny golaý, ýygy, ýakyn etmek. *Setirleriň arasyny ýygylamak gerek.*

**ÝYGYLANMAK** [ýyğylanmak], *işl.* **1.** Arasy golaý edilmek, ýakyn edilmek. **2.** Çaltlanmak, tizlenmek. *Sungat ussatlarynyň ýerlerdäki çykyşlary has-da ýygylandy.*

**ÝYGYLMAK** [ýyğylmak], *işl.***1.**Hasyly alynmak. *Bu ýerleriň üzümleri ýyglyp gutarypdyr.* **2.** Toplanmak, üýşmek, ýygnanmak. *Ýyglypdyr gyz-u juwan, Hak hemmäni kylsyn aman* ("Kasymoglan").

**ÝYGYLYK** [ýyğylyk], *at.* **1.** Ýygy halda bolmaklyk, aralary ýakynlyk, golaýlyk, gürlük. *Oturdylan miweli agaçlaryň arasynyň ýygylygy olaryň hasylyna täsir edýär.* **2.** Yrgyldylaryň, söz ulanyşyň we ş.m. gaýtalanyş tizligi.

**ÝYGYM** [ýyğym], *at.* **1.** Hasyl ýygmak işi, hasyl ýygnamak möwsümi. *Pagta ýygymynyň ýaňy başlan döwrüdi* ("Edebiýat we sungat"). **2.** Belli bir maksat, sebäp üçin ýygnalýan pul, zat, töleg. *Salgyt ýygymy.*

**ÝYGYMÇY** [ýyğymçy], *at.* **1.** Hasyl ýygnaýjy, hasyl ýygnaýan işgär. *Ýygymçylaryň gözi Annagula düşdi* (A. Durdyýew). **2.** *maliýe.* Ýygym ýygnaýjy, töleg, salgyt toplaýjy.

**ÝYGYMÇYLYK** [ýyğymçylyk], *at.* Ýygymçynyň käri, işi.

**ÝYGYM-DÜÝRÜM** [ýyğym-düýrüm], *at.* Ýygym möwsümi bilen bagly ähli işler. *Ýygym-düýrüm ýaly zat barmy! Onuň her hanasy bir teňňe-le* (B. Kerbabaýew).

**ÝYGYN** [ýyğyn], *at.* **1.** Bir ýere ýygnanan märeke, mähelle, üýşmeleň. *Şeýle agyr ýygnyň guruljagyny öý eýesi göz öňüne getiripdir* (A. Gowşudow). **2.** *kön.s.* Goşun. *Ýygyn gelip, sap-sap bolup durdular, Subh-säherden nagarasyn gurdular* ("Görogly").

**ÝYGYNDY** [ýyğynny], *at.* **1.** Birnäçe eserler, goşgular, makalalar toplumy. **2.** Dürli tarapdan ýa-da dürli ýerlerden ýygnalan adamlardan düzülen topar. *Daşoguz şäheriniň pälwanlarynyň ýygyndysy göwnejaý çykyş etdi.*

**ÝYGYNMAK** [ýyğynmak], *işl.* Özüň üçin ýygmak.

**ÝYGYRAK** [ýyğyra:k], *syp.* Az-kem ýygy.

**ÝYGYRMA** [ýyğyrma], *iş ady.* Ýygyrmak ýagdaýy.

**ÝYGYRMAK** [ýyğyrmak], *işl.***1.** Büzüp kiçeltmek, daraltmak. *Telpegiň etegini ýygryp tikmek.* **2.** Ýygyrt-ýygyrt etmek, epin tutdurmak, epin-epin etmek. **3.** Birneme düýrmek, özüňe tarap çekmek. **4.** Ýetip barmak, golaýlap barmak, golaýlaşmak, ýakynlaşmak. *Ol gaçanda zyk etdirmän, kowanda iki arany tiz ýygyrýardy* (B. Kerbabaýew). **5.** Süriniň bir tarapyny içine tarap kowmak. *Süriniň çepini-sagyny ýygryp, köprüden geçirdiler.*

**ÝYGYRMAKLYK** [ýyğyrmaklyk], *işady.* Ýygyrmak ýagdaýy.

**ÝYGYRT** [ýyğyrt], *at.* **1.** Ýygrylyp emele gelen epin. *Köýnegiň ýygyrdy.* **2.** Ýüzde, maňlaýda we ş.m. ýerlerde emele gelýän gasyn, çyzmyk, çylgam. *Onuň ýüzüniň ýygyrtlary mylaýymlyk bilen ýazyldy* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýygyrt atmak** ýygyrt emele gelmek, epin emele gelmek. *Keteni köýnegiň käbir ýerleri ýygyrt atypdyr.*

**ÝYGYRTLANMA** [ýyğyrtlanma], *iş ady.* Ýygyrtly görnüşe geçme, ýygyrt atma.

**ÝYGYRTLANMAK** [ýyğyrtlanmak], *işl.* Ýygyrt bolmak, gasyn atmak, epin tutmak. *Gözüň daşky dury bardasynyň ýygyrtlanmagy onuň möçberiniň kiçelmegine getirýär* (S. Karanow).

**ÝYGYRTLANMAKLYK** [ýyğyrtlanmaklyk], *iş ady.* Ýygyrtlanmak ýagdaýy.

**ÝYGYRTLAŞMAK** [ýyğyrtlaşmak], *işl.* Ýygyrt-ýygyrt bolup başlamak.

**ÝYGYRT-ÝYGYRT** [ýyğyrt-ýyğyrt], *syp.* **1.** Epin-epin bolan, köp ýeri epilip ýygrylan. *Ädiginiň gonjy baldyrynyň ýumry etinden geçmän, edil gadymky demirçileriň körügi ýaly ýygyrt-ýygyrt bolup dur* (N. Pomma). **2.** Gasyn-gasyn, gasyn atan. *Ýüzi güne ýanan, maňlaýy ýygyrt-ýygyrt...bir adam içini hümletdi* (B. Kerbabaýew).

**ÝYGYŞ** [ýyğyş], *iş ady.* Ýygmak ýagdaýy.

**ÝYGYŞDYRMAK** [ýyğyşdyrmak], *işl.* Ýygyp çykmak, hemmesini ýygmak. *Galan ýorunjany ýygyşdyryp bede etmeli.*

**ÝYGYŞMAK** [ýyğyşmak], *işl.* **1.** Ýygmaga kömek etmek. *Pagta ýygyşmak.* **2.** Ýygmakda ýaryşmak. *Men Durdy bilen pagta ýygyşdym.* **3.** Bilelikde ýygmak. *Aýallar sogan ýygşyp ýörler.*

**ÝYGY-ÝYGY** [ýyğy-ýyğy], *syp.* **1.** *ser.* **Ýygy-ýygydan.** *Ol gözüni açjak bolup, Demin aldy ýygy-ýygy* (R. Seýidow). **2.** Ýakyn-ýakyn, golaý-golaý, gür. *Germew agaçlary ýygy-ýygy dikilipdir.*

**ÝYGY-ÝYGYDAN** [ýyğy-ýyğydan], *hal.* Çalt-çaltdan, tiz-tizden, basym-basymdan. *Magtymgulynyň golunyň zarby gitdikçe güýjedi, çekiç barha ýygy-ýygydan inip galdy* (G. Kulyýew).

**ÝYKAJAN** , *syp.* Gören zadyny ýykyşdyrýan, döwüşdirýän, döküşdirýän (garagol çaga hakynda).

**ÝYKANDA-SÜRÄN** [ýyka:nna-sürä:n]: **ýykanda-sürän bolmak** gyssanyp barşyna bir ýykylyp, bir galmak. *Emma ol birden turdy-da, ýykanda-sürän bolup ýazzyny beräýdi* ("Görogly").

**ÝYKAN-ÝUMRAN** [ýyka:n-ýumra:n]: **ýykan-ýumran bolmak** weýran bolmak, derbi-dagyn bolmak, agdar-düňder bolmak, ýykylyp, dargap gitmek. *Ol ýykan-ýumran bolan, ýöremesi kyn bolan köçe bilen barýarka, maşgalalary hem ýadyna düşdi* (N. Saryhanow). **Ýykan-ýumran etmek** wes-weýran etmek, derbi-dagyn etmek, agdar-düňder etmek, ýykyşdyrmak. *Onsoň gyzlaryň hemmesi döwüň öýüni ýykan-ýumran edip, gaçyp gidýärler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÝYKAN-ÝUMRANLYK** [ýyka:n-ýumra:nlyk], *at.* Ýykylyp, ýumrulyp giden ýagdaýynda bolmaklyk, agdar-düňder halda bolmaklyk.

**ÝYKDYRMAK,** *işl.* **1.** Ýykmak işini başga birine etdirmek. *Toýun palçykdan köne kepbämi ýykdyrdym, ýerine şarňyldap duran köşk ýaly jaý gurdurdym.* **2.** Ýykmak işi başartmak. *Bu öküz ikimize ýykdyrarmyka?*

**ÝYKGYN: ýykgyn etmek** bir tarapa uýmak, bir ugra ýa-da bir zada göwnüňi bermek, meýilli bolmak.

**ÝYKGYNÇY,** *at.* Ýykgynçylyk, bozgakçylyk işlerine baş goşýan adam.

**ÝYKGYNÇYLYK,** *at.* Ýykgynçy bolmaklyk, bozgakçylyk.

**ÝYKMA,** *iş ady.* Ýykmak ýagdaýy. *Onuň uly-uly pälwanlary-da ýadadyp ýykmasy bardy.*

**ÝYKMAK,** *işl.* **1.** Sökmek, weýran etmek, berbat etmek, ýumurmak. **2.** Ýeňmek, üstün çykmak. *Armanym, ýok, pelek, bir söweş kylsam, Ýa ýyksaň, basylsam, ýa seriň alsam* (Magtymguly). **3.** Dik duran halyndan ýere ýaplamak, ýere ýatyrmak. *Güýçli ýel agaçlaryň birnäçesini ýykypdyr.***4.** Bir zadyň içine gaçyrmak, itekläp bir zadyň içine düşürmek. *Böwedi ýykmak.* **5.** *gepl.d.* Synagda kanagatlanarsyz baha goýmak.

**ÝYKMA-ÝYKYLMA,** *hal.* Bolşuňa görä, bir mydar edip, körmydar.

**ÝYKMAKLYK,** *iş ady.* Ýykmak ýagdaýy.

**ÝYKMAZLYK,** *iş ady.* Ýykmak hereketini etmezlik, ýykman durmak.

**ÝYKYGRAK** [ýykyğra:k], *syp.* Birneme ýykylan.

**ÝYKYJAK,** *syp.* Ýykyk ýagdaýdaky (kiçi zat hakynda). *Şol mahal edaranyň bir ýykyjak jaýy bar eken.*

**ÝYKYK,** *syp.* Abat däl, weýran, berbat bolan, ýykylan, ýumrulan.

**ÝYKYK-ÝUMRUK,** *syp.* Weýran bolup galan, berbat bolan, haraba öwrülen. *Uly ýol bilen gidip barşymyza ýykyk-ýumruk jaýlara gözümiz düşmedi.*

**ÝYKYLMAK,** *işl.* **1.** Agdarylyp ýere düşmek, bir zadyň üstünden ýere gaçmak. *Düýeden ýykylmak.* **2.** Dik oturan zat bir gapdala agmak, gaýtmak. *Demlengi demkeş ýykyldy. Agaç ýykyldy.* **3.** Ýeňilmek, asgyn gelmek. *Ýykylsaň, uludan ýykyl* (Nakyl). **4.** Taýyp, büdräp ýere ýazylmak. *Ýykylany ýer götär* (Nakyl). **5.** *göç.m.* Keramatly hasap edilýän güýçlere kömek sorap ýüz tutmak. *Ak işana ýykylmak.* **6.** Synmak, dargamak, ýaşamagyny bes etmek. *On ýedinji ýylda ak patyşa ýykyldy.* **7.** Synagda kanagatlanarsyz baha goýulmak, ikilik almak. *Sürmekden synag geçirilende ýykyldym.*

◊ **Ýykylanyň ýeňsesinden depmek** ýoldaşlyk, hossarlyk etmezlik, kynçylyga düşülende goltgy bermezlik. *Ýykylanyň ýeňsesinden depmek biziň häsiýetimize mahsus däldir.* **Ýykylsaň dişiň döwüljek** hiç zat bitmedik, şyr takyr, gaty (ýer hakynda). **Ýykylyp ýatmak** gaty söýmek, gowy görmek, halamak. *Sen şol gyz diýip ýykylyp ýatyrsyň-la...*

**ÝYKYLYP-SÜRÜŞMEK** [ýykylyp-sürüşmök], *işl.* **1.** Kä ýykylyp, kä aýaga galyp, kynlyk bilen ýol geçmek, öňe gitmek. *Ýykylyp-sürşüp, haşlap, Barýar goşlaryn taşlap* (R. Seýidow). **2.** *göç.m.* Durmuşda ýalňyşlyk goýberip, şowsuzlyga sezewar bolmak. *Ara şeýtan düşürmejek bolmaly, birek-biregiň ýykylan-sürşen ýerinde maňlaýyndan direjek bolmaly* (G. Kulyýew).

**ÝYKYLYŞMAK,** *işl.* **1.** Ýumrulyşyp, dargaşyp başlamak, çagşaşyp başlamak. *Tam ýykylyşypdyr, onuň suwaglaryny täzeläp, käýerlerini täzeden örmeli.* **2.** Köp zat ýykylmak. *Üzümiň direg agaçlary ýykylyşyp ýatyr.* **3.** Ýerli-ýerden, birnäçe bolup ýykylmak. *Oglanlar näme ýykylyşyp ýatyrlar?*

**ÝYKYP-ÝUMURMAK** [ýykyp-ýumurmok], *işl.* Ýykan-ýumran etmek, agdar-düňder etmek, ber-bibat etmek.

**ÝYKYRDAMAK,** *işl.* Ýykyr-ýykyr edip gülmek, ýykyrdyly gülmek. *Gyzjagazlar ýykyrdap gülüşdiler.*

**ÝYKYRDAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden köp bolup bilelikde ýykyrdamak. *Oturanlar ýykyrdaşýardylar.*

**ÝYKYRDY,** *at. gep.l* Çalarak çykýan şatlykly gülki sesi. *Öýüň içinden biriniň ýykyrdysy eşidilýärdi.*

**ÝYKYRDYLY**, *syp.* Ýykyrdy bilen, ýykyr-ýykyr edip. *Ýykyrdyly gülüşmek.*

**ÝYKYR-ÝYKYR**, *s.ş. aňl.söz.* Yzly-yzyna ýykyr-ýykyr edip gülnende çykýan sesler. *Ýykyr-ýykyr etmek.*

**ÝYKYŞ,** *iş ady.* Ýykmak ýagdaýy.

**ÝYL,** *at.* On iki aýdan ybarat wagt birligi.

◊ **Ýyla dönmek** köp wagta çekmek, belli bir wagt aralygy uzak bolup görünmek. *Her bir aýym ýyla döndi.* **Ýyl dönümi** adamyň, edaranyň, wakanyň we ş.m.doglan, döredilen, bolan senesiniň bellenilýän güni, ýaş toýy. **Ýylyny bermek** ýogalan, ölen adamyň hatyrasyna ony ýatlap, bir ýyldan ölen gününi etmek, sadaka berip ýogalan gününiň bir ýyllygyny bellemek. **Ýyl ýazuwy (ýazgysy)** her ýyldaky taryhy wakalaryň, ýerine ýetirilen işleriň ýazuwy, jemi.

**ÝYLADYJY,** *syp.* Ýylylyk beriji, ýyladýan. *Ýyladyjy desgalar.*

**ÝYLADYLMAK,** *işl.* **1.** Ot ýakyp ýyly edilmek, gyzdyrylmak. *Bug bilen ýyladylýan ähli jaýlarda bir sydyrgyn howa saklanýar.* **2.** Iýmezden öň oduň üstüne goýlup, birneme gyzdyrylmak. *Düýnki palaw ýyladyldy.*

**ÝYLADYŞ,** *iş ady.* Ýylatmak ýagdaýy. *Ýyladyş ulgamy.*

**ÝYLAK,** *at.* Gumda bitýän uzyn hem insizje ýaprakly ýaz oty. *Birnäçe ýyl mundan öň, boldumly ýaz günlerinde şu meýdanyň ýüpek ýaly gyrtyjy, ýylagy dyza çykardy* (A. Gowşudow).

**ÝYLAKLYK,***at.* Ýylagyň köp biten ýeri. *Çopan goýun sürüsini ýylaklyga tarap gaýtardy.*

**ÝYLAMA,***iş ady.* Ýylamak ýagdaýy.

**ÝYLAMAK,** *işl.* **1.** Çala gyzmak. *Oduň başynda goýlan kündügiň suwy ýylady.* **2.** Maýlamak. *Howa ýylady.*

**ÝYLAMAKLYK,***iş ady.* Ýylamak ýagdaýy.

**ÝYLAMAZLYK,** *iş ady.* Ýylamak derejesine ýetmezlik, ýylap bolmazlyk.

**ÝYLAN** [ýyla:n], *at.haýwanat d.* Egrem-bugram bolup suwlup hereket edýän zäherli we zähersiz süýreniji. *Ýylanyň ýigreneni narpyz, ol hem hininiň agzynda gögär* (Nakyl).

◊ **Ýylan garagy (garaçygy)ýok** ýagsyz, düýbünden ýagy bolmadyk (nahar hakynda). *Çorbada eger-eger ýylan garagy-da ýok eken* ("Edebiýat we sungat").

**ÝYLANBALYK** [ýyla:nma:lyk], *at. haýwanat d.* Ýylana menseş inçe, uzynja balyk.

**ÝYLANBAŞ** [ýyla:nmaş], *at.haýwanat d.* **1.** Görnüşi ýylanyň kellesine çalymdaş, köplenç, süýji suwly akar suwlarda ýaşaýan kiçijik jandar. **2.** Içi diş-diş boşlukdan emele gelen ýylanyň akja kelle süňküne meňzeş, göz degmesin diýip yrym edilip, köplenç, çagalaryň egin-eşigine dakylýan tebigy ýa-da emeli bezeg daşy. **3.** *Kebelek* ýa-da *owadan älem* atly äleme salynýan nagşyň goçagynyň towlanyp duran ýylana meňzedilip çitilýän ýaşyl çitimi.

**ÝYLANÇYR** [ýyla:nçyr] **I,** *at.haýwanat d.*Suwulgandan ulurak, ýylpyldap duran hamly süýreniji.

**ÝYLANÇYR** [ýyla:nçyr] **II,** *at.* **1.** Gaňyrçak görnüşli nagyş. **2.** *zergärç.s.* Şaý-sepleriň gyralaryna salynýan alagowurdaga meňzeş nagşyň ady.

**ÝYLANDODAK** [ýyla:nno:dok], *at.* Ýapraksyz, owadan ak gülli, gumda bitýän gol boýy ösümlik.

**ÝYLANMA,** *iş ady.* Ýylanmak ýagdaýy.

**ÝYLANMAK,** *işl.* Oda, peje we ş.m. çoýunyp, endamyňy ýylatmak. *Pejiň oduna ýylanmak.*

**ÝYLANMAKLYK,** *iş ady.* Ýylanmak ýagdaýy.

**ÝYLANMAZLYK,** *iş ady.* Oda çoýunyp, endamyňy ýylatmazlyk; ýylanmakdan saklanmak.

**ÝYLANYŞ,** *iş ady.* Ýylynmak ýagdaýy.

**ÝYLAŞMAK,** *işl.*Birneme ýylamak, kem-kemden ýylamak.

**ÝYLATDYRMAK,** *işl., ser.* **Ýylatmak**. *Nahary ýylatdyrmak.*

**ÝYLATMA**, *iş ady.* Ýylatmak ýagdaýy.

**ÝYLATMAK,** *işl.* **1.** Çala gyzdyrmak; iýer ýaly birneme gyzdyrmak, ýylytmak. *Suw ýylatmak.* **2.** Mähir bermek, mähire çoýmak. *Ene mähri çagalarynyň ýüregini ýyladýardy.*

**ÝYLATMAKLYK,** *iş ady.* Ýylatmak ýagdaýy.

**ÝYLAÝYŞ**, *iş ady.* Ýylamak ýagdaýy.

**ÝYLBA-ÝYL** [ýylva-ýyl], *hal.* **1.** Her ýylda, her ýyl. *Ýerlerden alynýan hasyl ýylba-ýyl artýar.* **2.** Ýylyň-ýylyna, ýylba-ýyldan, ýyl-ýyldan, ýyl geldikçe. *Önümiň özüne düşýän gymmaty-da ýylba-ýyl aşakladylýar.*

**ÝYLBA-ÝYLDAN** [ýylva-ýyllan], *hal, ser.* **Ýylba-ýyl 2**.

**ÝYLBOÝY** [ýyl-boýy], *hal.* Bütin ýylyň dowamynda, ýylyň başyndan ahyryna çenli. *Daýhanyň ýylboýy eden azabynyň reýgan bolmazlygynyň alajy görüldi* ("Türkmenistan").

**ÝYLÇYR**, *syp.* Ýüzi ýyldyrap duran, ýylmanak. *Dagyň ýylçyr gaýasyndaky mumyýa gözüň ýetip durka, şony ele salyp bilmeseň, nebsiň nähili agyrýar!* (B. Kerbabaýew).

**ÝYLÇYRAMAK**, *işl.* Ýylçyr görünmek, ýyldyrap durmak, ýag çalnan ýaly bolup görünmek, ýylmanak halda öwşün atmak. *Gaýanyň ýüzi ýylçyrap durdy.*

**ÝYLÇYRATMAK**, *işl.* **1**. Ýylçyrap durar ýaly etmek. *Tamyň ýüzi soýlan goýnuň ýagy degip ýylçyrap durdy.* **2**. Ýylçyraýan halda bolmaklyk, ýörmeklik. *Aman hem kellesini ýylçyradyp gelýär.*

**ÝYLÇYRLYK,** *at.* Ýylçyr halda bolmaklyk.

**ÝYLDYRAMA** [ýyllyrama], *iş ady.* Ýyldyramak ýagdaýy. *Aýnanyň ýyldyramasy ýaňy ýuwlanyndan habar berýärdi.*

**ÝYLDYRAMAK** [ýyllyramak], *işl.* Ýyldyr-ýyldyr etmek, ýylpyldyly şöhle salmak, ýylp-ýylp etmek. *Dogrudan hem sagat ýyldyrap durdy* (A. Nazarow).

**ÝYLDYRAMAKLYK** [ýyllyramaklyk], *iş ady.* Ýyldyramak ýagdaýy.

**ÝYLDYRAMAZLYK** [ýyllyramazlyk], *iş ady. dy.*Ýyldyr-ýyldyr etmek, ýyldyrdysy bolmazlyk.

**ÝYLDYRAR** [ýyllyra:r], *at.* Altyn, kümüş şaý-sep. *Garry ene uruş ýyllarynda bar şaý-sepini ýeňiş üçin bagyşlady, özünde ýeke ýyldyrary galmady.*

**ÝYLDYRARSYZ** [ýyllyra:rsyz], *syp.* Şaý-sepi ýok, şaý-sepsiz. *Aýna gelnalyjylara göz gezdirende, bir ýyldyrarsyz, ýönekeý sowsany köýnek, çaprazly çabyt bilen oturan gelnalyjylary-da gördi* (B. Kerbabaýew).

**ÝYLDYRAŞMAK** [ýyllyraşmak], *işl.* Ýyldyr-ýyldyr edişmek, ýylpyldyly öwşün atyşmak, ýylpyldaşmak.*Onuň ýyldyraşyp duran gara gözlerinde diňe haýyş alamaty uçganaklaýardy* (B. Gurbanow).

**ÝYLDYRATMAK** [ýyllyratmak], *işl.* Ýyldyrar ýaly edip görkezmek. *Dişlerini ýyldyradyp, ýüzüni göge tutup, uludan-uly demini alýar* (A. Durdyýew). *Ýüzügi keçä sürtüp ýyldyratdylar.*

**ÝYLDYRAÝYŞ** [ýyllyraýyş], *iş ady.* Ýyldyramak ýagdaýy.

**ÝYLDYRDAMAK** [ýyllyramak], *işl., ser.* **Ýyldyramak**.

**ÝYLDYRAWUK** [ýyllyrowuk], *syp.* Ýyldyr-ýyldyr edýän, ýylpyldyly, ýyldyraýan, ýylpyldawuk. *Eýeriň gaşyndaky ýyldyrawuk çüý bezeglerini dyrnaklary bilen dyrmalady* ("Görogly").

**ÝYLDYRDY** [ýyllyrdy], *at.* Bir zadyň şöhlesiniň, yşygynyň, ýalkymynyň we ş.m. göze kaklyşýan ýagtysy.

**ÝYLDYRYM** [ýyllyrym], *at.* Gök gürlände howada birden ýüze çykýan ot şekilli ýylpyldy. *Daňdana golaý gök gübürdäp, ýyldyrym çakdy* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Älem içre at gezer).

◊ **Ýyldyrym urmak** ýyldyrym degmegi, täsir etmegi zerarly, heläk bolmak, heläkçilige sezewar bolmak, hatardan çykmak. **Ýyldyrym ýaly (dek)** çakdanaşa çalt, tiz. *At ýyldyrym ýaly süýnýär. Otly ýyldyrym dek öňe gidip barýar.*

**ÝYLDYZ** [ýyllyz], *at.* **1**. Gije ýokarda ýaldyraşyp görünýän asman jisimleri. *Ýyldyz ýygnanyp, Aý bolmaz* (Nakyl).*Ýow gününde agyr derde ulaşsam, Ýyldyzlara bakyp derdim dep bolsun* (G. Ezizow). **2.**Bäş burçly şekil. **3**. *göç.m.* Iň meşhur, atly-owazaly adam, şamçyrag (esasan, sungatda). *Türkmen aýdym-saz sungatynyň ýyldyzy.***4**. Yryma görä, ýerde, öňüňde ýyldyz bolsa, şol gün toý tutulmaýar, jaýyň düýbi tutulmaýar we ş.m. *Bu gün gitseň, ýyldyzdyr* ("Görogly"). **5**. Halynyň gyrasyna ýyldyza meňzedilip salynýan, uçlary peýkam şekilli köp burçly nagyş.

◊ **Ýyldyza toýnak salmak** keýpiň kök bolmak, wagtyň hoş bolmak, mes bolmak.*Nädersiň az salymdan ýyldyza toýnak salyberseň* (N. Pomma). **Ýyldyza ugran (ýörän) ýaly bolmak** işiň şowsuz bolmak, edeniň ters bolmak, işiň oň bolmazlyk.*Ol neresseler ýyldyza ýörän ýaly boldy* (B. Gulow). **Ýyldyz süýnen ýaly** gaty çalasyn, örän çalt, ýyndam (hereket hakynda). *Bu maşyn ýörände, edil ýyldyz süýnen ýaly bolýar.***Ýyldyzy düşüşmezlik** gylyk-häsiýetiň deň gelmezlik, oňuşmazlyk (köplenç, ýaş çatynjalar hakynda).

**ÝYLDYZSYZ** [ýyllyssyz], *syp.***1**. Ýyldyz bolmadyk, ýyldyzy ýok. *Ýyldyzsyz asman.* **2**. *göç.m.* Gözüňe gelmeýän, bolşy, gylyk-häsiýeti ýaramaýan (adam hakynda).

**ÝYLGALLA** [ýylğalla], *at.* Bir ýyla ýeterlik galla.

*Ýurt boýunça bir günde alynýan hasylyň mukdary öňki zamandaky ýylgalladan hem köpdür* ("Watan").

**ÝYLGAÝ** [ýylğaý] **I**, *at*. **1**. Ýylgyna meňzeş gyrymsy agaç. **2**. Oglana dakylýan at.

**ÝYLGAÝ** [ýylğaý] **II**, *hal*, *gepl.d*. Elmydama, hemişe, birsyhly, mydama. *Ýylgaý bir zady iýip ýörmek hem jana oňaýly täsir etmeýär.*

**ÝYLGYN** [ýylğyn], *at*. Syrdam-syrdam inçe şahaly, pürlek, gyzylymtyl gabykly, topbak gögerýän gyrymsy agaç. *Kimiň eli gaňrakly, kimiň eli pürli ýylgyn çybykly goýunlary seçmäge başladylar* (H. Derýaýew).

**ÝYLGYNLYK** [ýylğynlyk], *at*. Ýylgynyň köp biten, gögeren ýeri. *Meniň gapdalymdaky giden gök ýylgynlygyň içinden ullakan bazar ýoly geçýär* (A. Durdyýew).

**ÝYLGYRJAKLAMAK** [ýylğyrjaklamak], *işl.* Sessiz gülümsiremek, çalarak ýylgyrmak.

**ÝYLGYRJAKLAŞMAK** [ýylğyrjaklaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden, birnäçe bolup ýylgyrjaklamak. *Ýetginjekler işikden ýylgyrjaklaşyp girdiler*.

**ÝYLGYRJAKLATMAK** [ýylğyrjaklatmak], *işl.***1**. Ýylgyrjaklaýan halda bolmak. *Ol bir hili ýüz-gözüni ýylgyrjakladyp işikden girdi*. **2**. Ýylgyrjaklar ýaly etmek.

**ÝYLGYRJYRAMAK** [ýylğyrjyramak], *işl*., *ser*. **Ýyljyraklamak**. *Dostum ýylgyrjyrady we aşak oturdy.*

**ÝYLGYRJYRAMAKLYK** [ýylğyrjyramaklyk], *işl*. Ýylğyrjyramak hereketi.

**ÝYLGYRJYRAMAZLYK** [ýylğyrjyramazlyk], *iş ady.* Ýyljyraklamazlyk.

**ÝYLGYRJYRAŞMAK** [ýylğyrjyraşmak], *işl.* Bilelikde ýylgyrjyramak. *Onuň aýdanlaryna gyzlar ýylgyrjyraşdylar.*

**ÝYLGYRMA** [ýylğyrma], *iş ady.* Ýylgyrmak ýagdaýy.

**ÝYLGYRMAK** [ýylğyrmak], *işl.* Gülümsiremek, sessiz ýuwaşja gülmek.

**ÝYLGYRMAKLYK** [ýylğyrmaklyk], *iş ady.* Ýylgyrmak ýagdaýy.

**ÝYLGYRMAZLYK** [ýylğyrmazlyk], *iş ady.* Ýylgyrman durmak, ýylgyrmakdan saklanmak.

**ÝYLGYRTMAK** [ýylğyrtmak], *işl.* **1.** Ýylgyrar ýaly etmek. *Lak atyp, çagany ýylgyrtmak.* **2.** Ýylgyrmaga sebäp bolmak. *Sen meni ýylgyrtdyň.* **3.** Ýylgyrmaga şert döretmek, maý bermek, mümkinçilik döretmek.

◊ **Dişini ýylgyrtmak** bir zat bilen begendirmek.

**ÝYLGYRYŞ** [ýylğyryş], *iş ady.* Ýylgyrmak ýagdaýy.

**ÝYLGYRYŞMAK** [ýylğyryşmak], *işl.* Bilelikde ýylgyrmak. *Saglyk-amanlyk soraşyp, ata-ogul biri-biriniň ýüzüne ýylgyryşyp seredişdiler* (A. Durdyýew).

**ÝYLJAK**, *syp*. **1**. Ýylysy gitmedik. *Ýyljak ýer.* **2.** Sowuk ýer gowy ýyladylan, gyzdyrylan. *Ýyljak ýerde işläp otyrdym.*

**ÝYLJAJYK**, *syp*. Ýylysy gowuja saklanyp galan. *Ýyljajyk çorba iýseň-ä şu wagt kem däl ýaly.* **2.** Gowuja ýyladylan, gyzdyrylan. *Içeri ýyljajyk eken, heziller etdim*.

**ÝYLJYRAKLABERMEK** [ýyljyrakla:vermek], *işl.* Ýyljyraklap ugramak.

**ÝYLJYRAKLAMA,** *iş ady.* Ýyljyraklamak ýagdaýy.

**ÝYLJYRAKLAMAK,** *işl.* Gözüni güldürip ýylgyrmak.

**ÝYLJYRAKLAMAKLYK,** *iş ady.* Ýyljyraklamak ýagdaýy.

**ÝYLJYRAKLAMAZLYK,** *iş ady.* Gözüni güldürip ýylgyrmazlyk.

**ÝYLJYRAKLAŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup ýyljyraklamak. *Olar hiç zat bolmadyk ýaly ýyljyraklaşyp barýardylar* (R. Allanazarow).

**ÝYLJYRAKLATMAK,** *işl.* Ýyljyraklamak katdyna ýetirmek.

**ÝYLKY,** *at.haýwanat d.* Atyň ähli jynsyny öz içine alýan umumy ady, gylýal. *Müň boldy goýuny, ýüz boldy ýylky, Döwlet başa gelen jaýlar, hoş indi* (Hatam şahyr).

**ÝYLKYBAN** [ýylkyva:n], *at.* Ýylky çopany, ýylky bakýan adam.

**ÝYLLYK,** *at.* Bir ýyl üçin hasaplanan, bir ýyl möhletli, bir ýyl dowamynda bolýan. *Talyplar birinji-üçünji ýyllarda ýyllyk işlerini ýazýarlar.*

**ÝYLMA ,** *iş ady.* Ýylmak ýagdaýy.

**ÝYLMAK I,** *işl.* Täze gaýan düýäniň düwen düwünçegi onuň patyrdyklap gitmegi sebäpli bozulmak. *Düýämiz ýylypdyr.*

**ÝYLMAK II,** *işl., gepl.d.* Sözüňde, ähdiňde tapylmazlyk, wadaňda durmazlyk.

**ÝYLMAMA,** *iş ady.* Ýylmamak ýagdaýy.

**ÝYLMAMAK,** *işl.* **1.** Ýüzüni endigan, tekiz etmek, büdür-südürini aýyrmak. *Tagtanyň ýüzüni ýylmamak.* **2.** *göç.m.* Timar bermek. *Oraz geýnip, saçlaryny ýylmady.*

**ÝYLMAMAKLYK,** *iş ady.* Ýylmamak ýagdaýy.

**ÝYLMAMAZLYK,** *iş ady.* Ýylmanak şekile getirmezlik.

**ÝYLMANAK,** *syp.* **1.** Ýüzi endigan, tekiz, büdür-südürsiz. *Ýylmanak oklaw hamyryň içinde bir ýitip, bir görnüp gidýärdi.***2.***göç.m.* Görmegeý, görmekli, syratly, owadan. *Ol iri süňkli, gara sakgally, ýylmanak ýüzli daýaw adamdy* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýylmanak gürrüň (söz)** sypaýyçylykly, mylaýym söz, hoşamaý gürrüň.

**ÝYLMANMAK,** *işl.* **1.** Tekizlenmek, büdür-südüri aýrylmak. *Ýylmanan dört goşma bilezigi etlek bileklerine dakynyp, kümüşli heýkeli ýanyn dakyndy* (B. Kerbabaýew). **2.** Özüňe timar bermek. *Näme beýle ýylmanýarsyň, bir ýere gitjekmi?* **3.** *göç.m.* Belli bir tertibe, mazmuna salynmak, düzedilmek, yzygiderli beýan edilmek. *Şol hekaýadaky büdür-südürlikler ýylmansa, ony okyjylar köpçüligine hödürlemek bolar* ("Edebiýat we sungat").

**ÝYLMANYLMAK,** *işl., ser.* **Ýylmanmak 2.**

**ÝYLMANYŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden, birnäçe bolup ýylmanmak. *Gyzlar saçlaryny darap, sypanyşyp, ýylmanyşyp otyrdylar.*

**ÝYLMAŞDYRMAK,** *işl.* Bir ýan ujundan yzygiderli ýylmamak. *Soňra ige bilen onuň o taýyny, bu taýyny ýylmaşdyrdy* (G. Kulyýew).

**ÝYLMAŞMAK**, *işl.* **1.** Ýylmamaga kömek etmek. *Ussa tagta ýylmaşmak.* **2.** Bilelikde birnäçe bolup ýylmamak. *Olar şire suwag bilen gara suwagyň ýüzüni ýylmaşyp durlar.*

**ÝYLMATMAK,** *işl.* **1.** Ýylmamak işini başga birine etdirmek. *Keseriň sapyny ýylmadanyň gowy bolaýdy.* **3.** Ýylmamak başartmak, başa barmak. *Agaç gaty eken, zordan ýylmatdy.*

**ÝYLMAÝJY**, *at.*Ýylmaýan, tekizleýän işçi ýa-da ýörite maşyn.

**ÝYLP**, *s.ş. aňl.söz.* Birbada öçügsiräk ýanyp-sönen,ýylpyldan yşygyň, oduň we ş.m. şekiliniň ady, öwüşgini. *Garaňkynyň içinde öňümizde bir zat ýylp eden ýaly boldy.*

**ÝYLPYLDAMA** [ýylpyllama], *iş ady.* Ýylpyldamak ýagdaýy.

**ÝYLPYLDAMAK** [ýylpyllamak], *işl.* **1.** Öçügsiräk ýylpyldyly şöhle, ýagty saçmak, ýylp-ýylp etmek. *Garanky gijede al-asmanda çala ýylpyldap görünýän ýyldyzlar meni pikirlenmäge mejbur etdi.* **2.** *göç.m.* Häli-şindi göze kaklyşmak.

**ÝYLPYLDAMAKLYK** [ýylpyllamaklyk], *iş ady.* Ýylpyldamak ýagdaýy.

**ÝYLPYLDAŞMAK** [ýylpyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna ýylpyldyly şöhle saçmak (köp zat hakynda). *Ýylpyldaşyp galan enaýy ýaşyl ýapraklar agaçlaryň heniz ýalaňaç endamlaryny bütinleý örtüp bilmändir* (B. Kerbabaýew).

**ÝYLPYLDATMAK** [ýylpyllatmak], *işl.* Ýylpyldar ýaly etmek, ýylpyldamak katdyna ýetirmek .

**ÝYLPYLDAWUK** [ýylpyllowuk], *syp.* Ýylpyldap duran, ýylpyldyly öwüşgin atýan. *Ýylpyldawuk daş.*

**ÝYLPYLDAÝYŞ** [ýylpyllaýyş], *iş ady.* Ýylpyldamak ýagdaýy.

**ÝYLPYLDY** [ýylpylly], *at.* Arasy kesilip, yzly-yzyna öçügsiräk ýylpyldaýan yşygyň, oduň we ş.m. şekiliniň ady, öwüşgini. *Oduň ýylpyldysy. Çala görünýän ýylpyldy.*

**ÝYLPYR,***at.* Gara däneli, bogun-bogun bolup ösýän arpa meňzeş ot.

**ÝYLP-ÝYLP**, *s.ş. aňl.söz.* Arasy kesilip, yzly-yzyna ýylpyldaýan yşygyň, oduň we ş.m. şekili. *Tamlaryň, kepbeleriň, öýleriň içinden yşyklar garaňkynyň içinde ýylp-ýylp edip görünýärdi* (A. Durdyýew).

**ÝYLSAÝYN** [ýylsa:ýyn], *hal.* Ýyl geçdigiçe, geldigiçe, ýyl-ýyldan; barha, gitdigiçe. *Bugdaýdan we pagtadan alýan hasylymyz ýylsaýyn artýar.*

**ÝYLY,** *syp.* **1.** Çalaja gyzan, çala gyzgyny bar bolan, sowuk däl. *Ýyly suw.* **2.** Sowuk däl, maýyl. *Ýyly jaý.* **3.** Sowuk geçirmeýän, gyzgyn saklaýan. *Ýyly geýim.*

◊ **Ýyly mähir (duýgy)** rehimdarlyk duýgusy, yhlasly ýürek söýgüsi. **Ýyly nazar** örän mähirli, söýgi bilen garaýyş. **Ýylysy bilen** derrew, gijä goýman, pursaty elden bermän. *Ýylysy bilen işe girişmek gerek.*

**ÝYLYLYK,***at.* Howanyň ýa-da bir zadyň gyzmagy netijesinde ýüze çykýan yssylyk. *Mekgejöwen ýylylyk söýüji we gurakçylyga çydamly ösümlikdir. Gün hem ýagtylyk, hem ýylylyk berýär.*

**ÝYLYM,** *at.* **1.** Bir ujy kenarda berkidilip, beýleki ujy suwa alnyp girilip, aýlaw edip yzyna çykmak arkaly balyk tutulýan, ortasyna ýakyn ýerleri ownuk gözli, haltaly tor. **2.** Guş tutmak üçin ulanylýan tor.

**ÝYLYMSYRAMAK,** *işl.* Ýylym-ýylym etmek, çala ýylgyran bolmak, ýyrşarmak, gülümsiremek. *Köçede duran ýük maşynyň üstünde abşarylyp duran murtlak pyýada oňa ýylymsyrap seredýärdi* (N. Jumaýew).

**ÝYLYM-ÝYLYM: ýylym-ýylym etmek** dylym-dylym etmek, iki erni bir ýere gelmän gülümsiremek.

**ÝYLYNDYRMAK** [ýyllynnyrmak], *işl.* **1.** Ýylnar ýaly etmek. *Gar oýnan elleri buz ýaly çagalary öýe salyp ýylyndyrdyk.* **2.**Ýylynmagyna sebäp bolmak. *Seniň meni ýylyndyranyň gowy boldy.* **3.** Ýylynmaga mümkinçilik bermek.

**ÝYLYNMA,** *iş ady.* Ýylynmak ýagdaýy.

**ÝYLYNMAK,** *işl., ser.* **Ýylanmak.** *Muny aňsatlar tutaşdyrybam bolmaz, ýylnybam bolmaz* (N. Saryhanow).

**ÝYLYNMAKLYK,** *iş ady.* Ýylynmak ýagdaýy.

**ÝYLYNMAZLYK,** *iş ady.* Ýylynman durmak, ýylynmakdan saklanmak.

**ÝYLYŇ-ÝYLYNA,** *hal.* Ýyl-ýyldan, ýylyň-ýylynda. *Dilimiz ýylyň-ýylyna kämilleşip, barha ösýär we baýlaşýar.*

**ÝYLYRAK** [ýylyra:k], *syp.* Birneme ýyly.

**ÝYLYSSY,** *at.* Ýönekeý ýyly nahar.

**ÝYLYTDYRMAK,***işl.* Ýylytmak işini başga birine etdirmek. *Nahary täzeden ýylytdyrmak.*

**ÝYLYTMA I,** *iş ady.* Ýylytmak ýagdaýy.

**ÝYLYTMA II,** *syp.* Ýyladylan nahar.

**ÝYLYTMAK,** *işl., ser.* **Ýylatmak**.

**ÝYLYTMAKLYK,** *iş ady.* Ýylytmak ýagdaýy. *Jaýy ýylytmaklyk işi talabalaýyk ýola goýlupdyr.*

**ÝYL-ÝYLDAN** [ýyl-ýyllan], *hal.* Ýylba-ýyl. *Bardykça, ýyl-ýyldan möwç urar gyşyň, Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar* (Magtymguly).

**ÝYMPYGRAK** [ýympyğyra:k], *syp.* Tagamy birneme ýympyk.

**ÝYMPYK,** *syp.* Duzsyz, duzy az atylan, ýuwan; tagamyna doly gelmedik (nahar hakynda).

**ÝYMPYKLYK,** *at.* Ýympyk bolmaklyk, ýuwanlyk, turşy dällik. *Maňa naharyň ýympyklygy ýarap baranok.*

**ÝYMSARMAK**, *işl.* Ýerliksiz çekinjeňlik, utanjaňlyk sebäpli diýjegiňi diýip, aýtjagyňy aýdyp bilmezlik, gerek zadyňy, hakyňy talap edip bilmezlik. *Beýdip ýymsaryp durma-da, gerek zadyňy aýdyber!*

**ÝYMSY**, *syp.* Ýerliksiz çekinjeňlik, utanjaňlyk sebäpli diýjegini diýip, aýtjagyny aýdyp bilmeýän, gerek zadyny, hakyny talap edip bilmeýän. *Senem gaty ýymsy bolýaň, gyssagly işiň çykan bolsa, başlygyňdan rugsat soraýarlar.*

**ÝYMSYLYK**, *at.* Ýymsy häsiýetlilik.

**ÝYNDAM** [ýynnam], *syp.***1.** Çalt çapýan, gaty gidýän. *Ýyndam at.* **2.** Çalt ylgaýan, ýüwrük. *Durdy örän çalasyn hem ýyndamdy* (H. Derýaýew).

**ÝYNDAMLYK** [ýynnamlyk], *at.* Ýyndam bolmaklyk. *Pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli* (Nakyl).

**ÝYNDAMRAK** [ýynnamyra:k], *syp.* Birneme ýyndam. *Indi-hä atyň ýyndamrak görünýär.*

**ÝYP-ÝYLMANAK**, *syp.* Örän ýylmanak.

**ÝYP-ÝYLY,** *syp.* Gaty ýyly, ýylyjak. *Jaýymyz ýyp-ýylydyr.*

**ÝYRAK** [ýyra:k], *hal.* Uzak, alys, daş. *Ýer gaty-da, gök ýyrak* (Nakyl). *Däli köňlüm, bir söhbetsiz kişiden, Daş ediban, ýyrak eýle özüňni* (Magtymguly).

**ÝYRAKLYK** [ýyra:klyk], *at.* Uzaklyk, alyslyk, daşlyk.

**ÝYRŞARMA,***iş ady.* Ýyrşarmak ýagdaýy.

**ÝYRŞARMAK,** *işl.* Çala ýylgyrmak, bir hili dylym-dylym etmek, ýüzüňde ýylgyrma alamaty peýda bolmak. *Perman hem ýyrşaryp, öýlerine bakan tigirlenip ugrady* (A. Nazarow).

**ÝYRŞARMAKLYK,** *iş ady.* Ýyrşarmak ýagdaýy.

**ÝYRŞARMAZLYK,** *iş ady.* Ýyrşarman durmak, ýyrşarmakdan saklanmak. *Şeýle gülküli gürrüňe bu adamyň hatda ýyrşarmazlygy ünsi çekdi.*

**ÝYRŞARTMAK,** *işl.* Ýyrşarar ýaly etmek. *Ol saçlarynyň ujuny süýem barmagyna çolap, dodaklaryny ýyrşartdy* (B. Gulow).

**ÝYRŞARYLMAK,** *işl., ser.* **Ýyrşarmak.** *Oraz ýyrşarylyp işikden girdi.*

**ÝYRŞARYŞ,** *iş ady.* Ýyrşarmak ýagdaýy.

**ÝYRŞARYŞMAK,** *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup ýyrşarmak.

**ÝYRTDYRMAK,** *işl.* **1**. Ýyrtmak işini başga birine etdirmek. **2**. Ýyrtylmagyna ýol bermek, ýyrtyk ýagdaýa getirmek. *Köýnegiňi agajyň şahasyna ýyrtdyraýdyňmy?*

**ÝYRTMA** 1. *iş ady.* Ýyrtmak ýagdaýy. **2**. *syp.* Ýylyň günleri görkezilýän we her gün ýyrtylyp aýrylýan (senenama hakynda). *Ýyrtma senenama.*

**ÝYRTMAK,** *işl.* **1.** Kagyz, mata we ş.m. ýuka zatlary çekip, dartyp bölmek. *Agşam oňa göwünlik berip ýazan hatyny ertir irden ýyrtyp taşlady* (B. Kerbabaýew). **2.** Ýüzleý ýara salmak, sypjyryk-sypjyryk etmek. *Seniň ýüzüňi kim ýyrtdy?*

◊ **Geýip ýyrtmak nesip etsin** täze telpek, geýim, köwüş alan gutlananda edilýän dileg. **Egniňde ýyrtylsyn** täze geýim alana edilýän dileg. **Ýüzi ýyrtylmak** ýüzi açylmak, utanjaňlygy aýrylmak.

**ÝYRTMAZLYK,** *iş ady.* Ýyrtmak işini, hereketini etmezlik. *Köýnegiňi çöp-çalam ýyrtaýmasyn.*

**ÝYRTYGRAK** [ýyrtyğyra:k], *syp.* Birneme ýyrtyk. *Ýyrtygrak köýnek.*

**ÝYRTYJY,** *syp.* Käbir jandarlaryň wagşylyk häsiýeti, wagşy. *Şol döwürlerde ýyrtyjy haýwanlar hem süri-süri bolupdyr* (B. Annageldiýew).

**ÝYRTYJYLYK,** *at.* Ýyrtyjy, wagşy häsiýetde bolmaklyk.

**ÝYRTYK,** *syp.* **1**. Ýyrtylyp böleklere bölünen, para-para bolan, ýyrtylan. *Tanalar ol has bedewler, Köne ýyrtyk jul biläni* (Magtymguly). **2**. Köpçülikden sussy basylmaýan.

◊ **Ýyrtyk elek** içinde syr saklamaýan, gep saklamaýan, aýtmagyn diýlen zady aýdýan (çaga hakynda).

**ÝYRTYKLYK,***at.* Ýyrtyk ýagdaýda bolmaklyk. *Geýimiň ýyrtyklygy.*

**ÝYRTYKÝAPRAK** [ýyrtykýapyrak], *at.* Ýapraklary kertik-kertik ak üzüm.

**ÝYRTYK-ÝIRIK**, *syp.* Ýyrtylyp-ýirlip duran,deşim-deşim. *Ýyrtyk-ýirik düşek örtünji bolar, Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar* (Magtymguly).

**ÝYRTYK-ÝYRTYK,***syp.* Köp ýeri ýyrtylyp, bölek-bölek bolan, jyrym-jyrym bolan, eleşan bolan. *Kagyzlaryň gyrasy ýyrtyk-ýyrtyk, sahypalaryna el kiri düşüp, yz galdyryp gidipdir* (N. Saryhanow).

**ÝYRTYM-ÝYRTYM: ýyrtym-ýyrtym etmek** ýyrtyp bölek-bölek etmek.

**ÝYRTYLMAK,***işl.* Ýyrtyk hala gelmek, getirilmek. *Ýaka bolsa ýyrtyldy ...* ("Görogly").

**ÝYRTYLMAZLYK,** *iş ady.* Ýyrtyk hala gelmezlik, ýyrtylman galmak, ýyrtylman durmak. *Köýnegiň matasy gaty berk eken, her näçe ýyrtjak bolsaňam ýyrtylanok.*

**ÝYRTYŞ,***iş ady.* Ýyrtmak ýagdaýy.

**ÝYRTYŞDYRMAK,** *işl.* Matany, kagyzy we beýleki ýyrtylýan zatlary ýyrtyp çykmak, ýyrtym-ýyrtym, jyrym-jyrym etmek.

**ÝYRYŞ-ÝYRYŞ: ýyryş-ýyryş etmek** çala ýylgyrmak, dylym-dylym etmek, gülümsiremek. *Ýyryş-ýyryş edip, erni-ernine gelmedi* (R. Gelenow).

# Z

**Z,** Türkmen elipbiýiniň otuzynjy harpy.

**ZABT** [zavyt], *at, ser.* **Zarba 1.**

◊ **Zabt etmek 1)** harby güýçleri toplap hüjüm etmek, çozmak. *Duşmanyň berkitmesini zabt edip almak.* **2)** depgini güýçlendirmek, zor berip işlemek. *Gyzlar, şu günkimiz ýaly ertir hem pagta zabt etsek, birigün irden kerwen ugradarys* (A. Durdyýew).

**ZABUN** [zavu:n], *syp.* **1.** Gaty rehimsiz, gazaply, zalym. **2.** Örän güýçli, batly, gazaply. **3.** Erbet, agyr, muşakgatly. *Dert zyýat düşüpdir, zabundyr hallar* (Magtymguly).

◊ **Zabun tutmak** gaty berk saklamak, berk tutmak.

**ZABUNLAŞMAK** [zavu:nloşmok], *işl.* **1.** Zabunlygy artyp başlamak, zabun bolup başlamak, rehimsizligi, zalymlygy güýjäp başlamak. **2.** *gepl.d.*

Güýjäp başlamak, gazaplanyp başlamak, güýjemek. *Howanyň sowugy-da gitdigiçe zabunlaşýar.*

**ZABYRDABERMEK** [zavyrda:vermek], *işl.* Wazlap çalt hereket edibermek, dazlap gidibermek, çalt-çalt gidibermek.

**ZABYRDAMA** [zavyrdama], *iş ady.* Zabyrdamak ýagdaýy.

**ZABYRDAMAK** [zavyrdamak], *işl.* **1.** Wazlap çalt hereket etmek, dazlap gitmek, örän çalasyn gitmek, dazyrdamak. *Maşynlar deňimizden zabyrdap geçýärdiler.* **2.** *göç.m.* Agzy-agzyna ýetmän gürlemek, örän çalt geplemek, agzynyň ýetişipbildiginden geplemek. *Zabyrdama-da, haýalrak okaýsana!*

**ZABYRDAMAKLYK** [zavyrdamaklyk], *iş ady.* Zabyrdamak ýagdaýy.

**ZABYRDAŞMAK** [zavyrdaşmak], *işl.* **1.** *gepl.d.* Birnäçe bolup bilelikde zabyrdap gitmek, dazyrdaşmak, dazlaşmak. *Maşynlar zabyrdaşyp barýardylar.* **2.** *göç.m.* Birnäçe bolup örän çalt geplemek. *Olar goşgyny zabyrdaşyp okaýardylar.*

**ZABYRDATMAK** [zavyrdatmak], *işl.* **1.** *gepl.d.* Bir zady örän çalt hereket etdirmek, dazlatmak, dazyrdatmak. *Ol elindäki daşy zabyrdadyp saldy.* **2.** *göç.m.* Haty, ýazgyny çalt okamak, sözleri çalt aýtmak. *Ol haty zabyrdadyp okaýardy.*

**ZABYRDAÝYŞ** [zavyrdaýyş], *iş ady.* Zabyrdamak ýagdaýy.

**ZABYRDY** [zavyrdy], *at.* **1.** Çalt hereket netijesinde çykýan sesiň ady, dazyrdy. **2.** Çalt okalanda, geplenende döreýän sözleýiş.

**ZABYRT-ZABYRT** [zavyrt-zavyrt], *s.ş.aňl.söz.* Yzly-yzyna zabyrdyly çykýan batly ses.

**ZADA** [za:da], *at, k.d.* Käbir goşma sözleriň ikinji bölegi hökmünde gelip, "dogan, doglan, dörän, emele gelen" ýaly manyny aňladýar. *Hyzmat kylsaň, bolsun bir asylzada, Ata-babasyndan beýik begzada* (Magtymguly).

**ZAG** [za:ğ], *at, k.d.* Garga. *Bilbil uçup, zaglar gondy güllere* ("Saýatly – Hemra"). *Ol ne zagdyr – bilbil bilen hemhana* (Misgingylyç).

**ZAGAMMYR** [zağammyr], *at.* Ädik, köwüş tikilende, onuň üstki gaýşyny galyba çekip berkitmek üçin ulanylýan egri we küti agyzly atagzynyň bir görnüşi.

**ZAGARA** [zağara] **I.** *at.* Jöwen ýa-da mekge unundan bişirilýän kiçiräk tegelek çörek, tötek. *Gurak zagara bogazyndan zordan geçýärdi* (A. Gowşudow). *Zagara sähel gyzandan, ony arka ýüzüne öwürdi* (O. Ödäýew).

**ZAGARA** [zağara] **II,** *at.* Süýji suwlarda ýaşaýan, ýasyrak, togalak, gyzylymtyl teňňeli balyk.

**ZAGPYRAN** [zağpyra:n], *at, k.d.* Açyk sary gülli ýakymly ysly köpýyllyk otjumak ösümlik. *Keremiň reňki zagpyrana dönüpdir* ("Asly – Kerem"). *Eý gyzym, seniň ýüzüň Hindistan almasy kibi erdi, zagpyran kibi solupdyr.* ("Seýpelmelek – Medhaljemal").

**ZAGYP** [za:ğy:p], *k.d.* **1.** *syp.* Güýçsüz, ysgynsyz, ejiz, hor. **2.** *at.* Aýal. *Ýigidiň abraýy ýagşy zagypdyr* (Magtymguly). *Kişä halal däldir kişi zagyby* (Zynhary).

**ZAGYPLANMAK** [za:ğy:planmak], *işl., k.d.* Güýçden düşmek, ysgyndan gaçmak. *Ärhasana on iki ýerden ýara düşdi, zagyplandy* ("Görogly").

**ZAGYRDAMA** [zağyrdama], *iş ady.* Zagyrdamak ýagdaýy.

**ZAGYRDAMAK** [zağyrdamak], *işl.* Bir zatdan gorkusyna titremek, sandyrap durmak, zagyrdyklamak. *Seniň sesiňi eşidende, zagyrdap dursa nädersiň!* (B. Kerbabaýew).

**ZAGYRDAMAKLYK** [zağyrdamaklyk], *iş ady.* Zagyrdamak ýagdaýy.

**ZAGYRDAŞMAK** [zağyrdaşmak], *işl.* Köp bolup zagyrdap durmak, sandyraşyp durmak. *Mallar möjek görenlerinden zagyrdaşyp başladylar.*

**ZAGYRDATMAK** [zağyrdatmak], *işl.* Zagyrdamak katdyna ýetirmek, zagyrdamaga mejbur etmek, bilelikde gorkmak.

**ZAGYRDAÝYŞ** [zağyrdaýyş], *iş ady.* Zagyrdamak ýagdaýy.

**ZAGYRDY** [zağyrdy], *at.* Gaty gorkup durmaklyk, güýçli gorky. *Bedenime elhenç zagyrdy aralaşdy.*

**ZAGYRDYKLAMAK** [zağyrdyklamak], *işl., ser.* **Zagyrdamak.** *Ozal aýdylanyny etmän, zagyrdykla-da dur indi.*

**ZAGYRDYKLAŞMAK** [zağyrdyklaşmak], *işl., ser.* **Zagyrdaşmak.**

**ZAGYR-ZAGYR** [zağyr-zağyr], *s.ş.aňl.söz.* Gorkýan adamyňy gören wagtyňda süňňüňi gaplap alýan titreme duýgusy. *Zagyr-zagyr etmek.*

**ZAG-ZAG** [zağ-zağ], *s.ş.aňl.söz.* Gaty üşäniňde ýa-da gorkuly bir zady göreniňde süňňüňi gaplap alýan titreme duýgusy. *Sowukdan ýaňa inim zag-zag edýär.*

**ZAHYR** [za:hy:r], *syp., k.d.* **1.** Aýan, äşgär, belli, görnüp duran, mälim. *Bularyň gül kimiň meňzini soldurmaýyn, kişä zahyr etmäýin diýip, çykyp gitdi* ("Zöhre – Tahyr"). **2.** Oglana dakylýan at.

**ZAKGUN,** [zakgu:n], *at.* **1.** Öňden gelýän düşünjä görä, dowzahda ösýän, miwesi zäherli agaç. *Ajysy, kekre bilen burç-a beýlede dursun, zakgundanam ajydy* (N. Pomma). **2.** *göç.m. syp.* Örän ajy zat, zäher, awy. *Zäherdir içenim, zakgun – iýenim* (Zelili).

**ZAKYJA** [za:kyja], *at.* Ýylpyldawuk gara ýelekli kiçijik gara garga.

**ZALUWAT** [za:luwa:t], *at.* Adamyň kimdir birine bolan içki duýgusyny ýüze çykarýan söz; ýeser, zaňňar. *Bu zaluwatlar özlerine gerekli zady aýawlyja saklaýan ekenler* (Ş. Borjakow).

**ZAL** [za:l], *at.* Köpçülikleýin sport we beýleki çäreleri geçirmek üçin ullakan giň jaý. *Ol dünýä standartlaryna laýyklykda enjamlaşdyrylan desgalaryň birnäçesinden – stadionlardan, açyk we ýapyk sport meýdançalaryndan we zallardan, basseýnlerden, welotrekden, tennis kortundan, lukmançylyk-sagaldyş merkezinden, myhmanhanalardan, bir söz bilen aýdylanda, sportuň*

*dürli görnüşleri boýunça, şol sanda halkara derejesindäki ýaryşlary geçirmek üçin ähli şertleri göz öňünde tutýan toplumdan ybarat bolar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz).

**ZALYM** [za:lym], *syp.* Rehimsiz, doňýürek, adamkärçilik häsiýetini ýitiren, adamlary ezýän, ejize ganym. *Zalymlar har bolar, galar aýakda, Garyp, sen ýyglama, şir dek bolar sen* (Magtymguly).

**ZALYMLYK** [za:lymlyk], *at.* Sütemkärlik, doňýüreklilik, ýowuzlyk. *Heý, şeýle-de bir zalymlyk bolarmy?!* (G. Seýitliýew).

**ZAMAN** [zama:n], *at.***1.** Döwür, zamana, eýýam. *Müň şükür, zaman ýagşylyga barýar* ("Watan"). **2.** Wagt, çag, mütdet. *Bir zaman diňle sözümni, Sen eşit arzymny bu* ("Gül – Bilbil"). *Bir zamanda bagt bilen akyl jedel edipdirler* ("Türkmen halk ertekileri"). **3.** *dil b.* Hereketiň öten, geljek we häzirki wagta degişlidigini aňladýan işlik şekili. *Işlik zamanlary. Işligiň öten zaman şekili. Işligiň häzirki zaman şekili. Işligiň geljek zaman şekili.* **4.** Oglana dakylýan at.

**ZAMANA** [zama:na], *at, ser.* **Zaman I.**

**ZAMANABAP** [zama:nava:p], *syp.* Öz döwrüne, zamanasyna dogry, bap gelýän, döwrebap. *Zamanabap bolmak.*

**ZAMANDAŞ** [zama:nnaş], *at.* Biri bilen sol bir zamanda ýaşan, biri bilen bir döwürin adamy, döwürdeş. *Biz öz Watanymyzyň, öz halkymyzyň, öz zaman-daşlarymyzyň bagtyna guwanýarys.*

**ZAMBUR** [zammur], *at, k.d.* Ary. *Zambur deý ýapyşyp, tutar bilgeniň* (Zynhary).

**ZAMÇA,** *at.* Togalakdan ýumşagrak, daşy dilim-dilim gawunyň bir görnüşi.

**ZAMUN** [za:mu:n], *at.* **1.** Bir adamyň eden etmişini gaýtalamajagyna güwä geçip, onuň ähli jogapkärçiligini öz üstüňe almaklyk, kepil. **2.** Güwä geçmeklik, şaýat bolmaklyk. *Şol dänäni daýhana paýlasaň, indiki ýyla çenli ölmän çykjagyna men zamun!* (B. Kerbabaýew).

◊ **Zamuna almak** kepil bolup, garamatyny öz üstüňe alyp azat etmek.

**ZAMUNLYK,** [za:mu:nluk], *at.* **1.** Bir adamyň eden etmişini gaýtalamajagyna güwälik, jogapkärçilik, kepillik. **2.** Güwälik, şaýatlyk. *Gepine zamunlyk üçin Omar Haýýamyň rubagylaryndan birini göwnügöçgünlik bilen ýatlady* (G. Kulyýew).

**ZAMY** [za:my], *at.* Zamçanyň bir görnüşi.

**ZAND** [zann], *at.* Ruhy binýat.

◊ **Zandyna guýulmak** Ýüreginde, özünde öňden haýsydyr bir zada höwes, isleg bar bolmak. *Adamyň zandyna guýlan bolmasa, her bir zady aýdyp etdirip bolasy ýok.*

**ZANDYÝAMAN** [zannyýaman], *syp.* Päli bozuk, niýeti ýaman (adam).

**ZANDYÝAMANLYK** [zannyýamanlyk], *at.* Zandyýaman gylyklylyk, zandyýaman bolmaklyk. *Ol özüniň zandyýamanlygyny äşgär etdi.*

**ZAŇ,** *at.* **1.** Jaň. *Sagadyň sesi uly zaňyň sesi ýalydy.* **2.** Jaň ýa-da ýörite gural arkaly döreýän ses. *Hemişekilerim ýaly, sagadyň zaňyny turjak wagtyma deňläp goýupdym* (R. Gelenow). **3.** *göç, m.* Owaz, ses. *Şol gün beýik Garaşsyzlygyň şanly zaňy ýaňlandy.*

**ZAŇLAMA,** *iş ady.* Zaňlamak ýagdaýy.

**ZAŇLAMAK,** *işl., ser.* **Zaňňyrdamak.**

**ZAŇLAMAKLYK,** *iş ady.* Zaňlamak ýagdaýy.

**ZAŇLATMAK,** *işl., ser.* **Zaňňyrdatmak.**

**ZAŇLAÝYŞ,** *iş ady.* Zaňlamak ýagdaýy.

**ZAŇŇAR,** *at.* **1.** Ýeser, ýeserlik bilen iş görýän, zaluwat. *Heý zaňňar, agasynyň malyna el garyp başlady-ow* ("Görogly"). **2.** *syp., göç.m.* Başarjaň, tutanýerli (adam hakynda). *Göroglynyň kyrk zaňňary daşynda, Ýeňiş keýpi joş urýardy başynda* (G. Ezizow).

**ZAŇŇYLDAMA** [zaňňyllama], *iş ady.* Zaňňyldamak ýagdaýy.

**ZANŇYLDAMAK** [zaňňyllamak], *işl., ser.* **Zaňňyrdamak.**

**ZAŇŇYLDAŞMAK** [zaňňyllaşmak], *işl., ser.* **Zaňňyrdaşmak.**

**ZAŇŇYLDATMAK** [zaňňyllatmak], *işl., ser.* **Zaňňyrdatmak.**

**ZAŇŇYLDY** [zaňňylly], *at, ser.* **Zaňňyrdy.**

**ZAŇŇYRDAMA,** *iş ady.* Zaňňyrdamak ýagdaýy.

**ZAŇŇYRDAMAK,** *işl.* Zaňňyrdyly seslenmek, zaňňyrdyly ses çykmak, zaňňyldamak. *Asmasagat zaňňyrdaýardy.*

**ZAŇŇYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe zat bilelikde zaňňyrdamak.

**ZAŇŇYRDATMAK,** *işl.* Bir zada zaňňyrdyly seslenmäge mejbur etmek. *Sandygyň gulpuny zaňňyrdatmak. Jaňy zaňňyrdatmak.*

**ZAŇŇYRDAÝYŞ,** *iş ady.* Zaňňyrdamak ýagdaýy.

**ZAŇŇYRDY,** *at.* Demirden edilen gaplara urlanda ýaňlanyp çykýan sesiň we zaňyň sesiniň ady. *Uzakdan bir zaňňyrdy eşidildi.*

**ZAR** [za:r], *at.* **1.** Ahy-nala, zeýrenç, nalyş. *Zarymbar-da, zorum ýok* (Atalar sözi). **2.** Mätäç, zat tapmaýan, ýetirinip bilmeýän. *Men iýmäge zar däldim, içmäge-de zar däldim* ("Görogly"). *Ilde ogluň dyrnagyna zar bolup ýörenler hem bar* (A. Durdyýew). **3.** Arzy-hal. *Senuber diýr budur zarym* ("Gül – Senuber"). **4.** Çyn ýürekden isleýän. *Senuberdir seniň zaryň, Gije-gündiz intizaryň* ("Gül – Senuber").

◊ **Zar aglamak** *ser.* **Zar-zar aglamak**. **Zar çekmek** birini görmek arzuwyny edip, zarynlap aglamak, ahy-perýat etmek. **Zar etmek** mätäç etmek, garaşly etmek. *Mert tükenip, her namarda zar etse, şol gün hakyň beren ýaşy gerekmez* (Zynhary).

**ZARBA** [zarva], *at.* **1.** Urulýan urgynyň täsir edýän güýji. *Pişegiň zarbasyndan ýanlyk ýarylara gelip, goýy gatyklar suwaşyp, aýrana aýlanyp, ýagy ýeljikläp ýüzüne galmaga başlady* (H. Derýaýew). **2.** Hüjüm edilip görkezilýän basyş. *Duşman goşunlary urulýan zarba çydam bermedi*. **2.** *göç.m.* Depgin, zor bermeklik. *Galla oragyny bir zarbada tamamlalyň.* **3.** Bir gezekde, birden, bir bada. *Ol sowan çaýy bir zarbada başyna çekdi.*

◊ **Zarba urmak** zabt etmek, hüjüme geçmek, çozmak, aýgytly hüjüm etmek.

**ZARBYGYŞ** [zarvyğyş], *iş ady.* Zarbykmak ýagdaýy.

**ZARBYKDYRMAK** [zarvykdyrmak], *işl.* Beterletmek, azdyrmak, agyrysyny güýjetmek. *Ýarasyna sowuk suw degrip, ol ony zarbykdyrypdyr.*

**ZARBYKMA** [zarvykma], *iş ady.* Zarbykmak ýagdaýy.

**ZARBYKMAK** [zarvykmak], *işl.* Zor görüp beterlemek, zor görüp azmak, agyrysy güýjemek. *Aýagymyň ýarasy zarbygypdyr.*

**ZARBYKMAKLYK** [zarvykmaklyk], *iş ady.* Zarbykmak ýagdaýy.

**ZARK,** *syp.* Gereginden artyk berk tutýan, pugta tutýan, özünden bidin hiç bir zat etdirmeýän. *Pylany gaty zark adamdy. Ol çagalaryny gaty zark tutardy.*

**ZARLAMAK** [za:rlamak], *işl, şahyr.* Ahy-zar çekmek, zaryny çekmek, nalyş etmek. *Ady ýagşy jan balam! Eneň zarlap galdy-la!* (Halk döredijiliginden).

**ZARLANMAK** [za:rlanmak], *işl.* Gynanmak, zar çekmek, ahy-peryat etmek. *Söwdügim ýabanda galmyş, Bile ýanaly zarlanyp* (Andalyp).

**ZARLYK** [za:rlyk], *at.* Zar ýagdaýda bolmaklyk, zar-zelillik; mätäçlik. *Çörege zarlyk.*

**ZARŇYLDABERMEK** [zarňylla:vermek], *işl.* Zarňyldap başlamak, zarňyldyly ses çykarybermek.

**ZARŇYLDAMA** [zarňyllama], *iş ady.* Zarňyldamak ýagdaýy.

**ZARŇYLDAMAK** [zarňyllamak], *işl.* Zarňyldyly ses çykmak, zarňyldyly seslenmek, zaryň-zaryň etmek. *Örän gurat, kirişleri zarňyldap duran dutar, eliňe alyp çalybermeli* (N. Saryhanow).

**ZARŇYLDAŞMAK** [zarňyllaşmak], *işl.* Birnäçe zat zarňyldamak, bilelikde zarňyldamak.

**ZARŇYLDATDYRMAK** [zarňyllatdyrmak], *işl.* **Zarňyldatmak**.

**ZARŇYLDATMAK** [zarňyllatmak], *işl.* Zarňyldyly ses çykartmak. *Sandygyň agzyny zarňyldadyp açdy* (N. Saryhanow).

**ZARŇYLDAÝYŞ** [zarňyllaýyş], *iş ady.* Zarňyldamak ýagdaýy.

**ZARŇYLDY** [zarňylly], *at.* Uly jaňyň, diwar sagadynyň we beýleki owazlanýan metal zatlaryň güýçli täsir netijesinde çykarýan sesiniň ady.

**ZARŇYL-ZARŇYL,** *s.ş.aňl.söz.* Zarňyldap çykýan ses.

◊ **Zarňyl-zarňyl etmek.** *ser.* **Zarňyldamak.**

**ZARP** [zaryp], *at.* **1.** Batly hereketiň ýokary tizligi, täsiri, güýji. *Ol ýapraklar bolsa, şemalyň zarbyna paýraşyp dökülýärler* (B. Gulow). **2.** Urgy, zarba. *Ölüm zarby üç tarapdan uruldy, Akylym dagylyp, haýrana geldi* (Magtymguly).

**ZARPÇY** [zarypçy], *at.* Önümçiligiň öňdebaryjysy.

**ZARPLANDYRMAK** [zaryplannyrmak], *işl.* Güýçlendirmek, güýjüni artdyryp başlamak, batlandyrmak. *Sesiňi zarplandyrmak.*

**ZARPLANMAK** [zaryplanmak], *işl.* Güýçlenmek, güýji artyp başlamak, batlanmak.

**ZARPLY** [zaryply], *syp.* **1.** Batly, güýçli, zarp bilen çykýan. *Onuň soňky sözi örän zarply çykdy.* **2.** Bat bilen, batly, çalt, gaty. *Zarply kakylýan depleriň sesi çapyp barýan atyň aýak sesi ýalydy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Zarply sesler** *dil b.* zarp bilen aýdylýan çekimsiz sesler. Mysal üçin, *bag, gar* sözleriniň başynda gelýän *b, g* sesleri zarply , *oba, dag* sözlerindäki *b, g* harplary [v], [ğ] ýaly aýdylýan süýkeş seslerdir.

**ZARPLYLYK** [zaryplylyk], *at.* Batlylyk, güýçlülik, zarby, güýji barlyk.

**ZARPSYZ** [zarypsyz], *syp.* **1.** Batsyz, güýçsüz, çala çykýan. **2.** Ýuwaş, çala, gowşak.

**ZARYN** [za:ry:n], *syp.* **1.** Ýüregiňi gyýyp barýan, ýürek awadyjy, örän gynançly. *Magtymguly, gara ýüzüň, Diňlemezler zaryn sözüň* (Magtymguly). **2.** Gaýgyly, naýynjar eşidilýän (ses hakynda). *Onuň bagryňy paralap barýan zaryn sesine hiç döz geler ýaly bolmady* (N. Pomma).

**ZARYNLAMA** [za:ry:nlama], *iş ady.* Zarynlamak ýagdaýy.

**ZARYNLAMAK** [za:ry:nlamak], *işl.* Zaryn ses bilen zeýrenip, ahy-nala çekmek. *Öňünden ylgap çykan çaganyň üznüksiz sowaly, häli-şindi gapa ylgamagy, zarynlamagy ejesiniň ýüregini has-da mynçgalady* (B. Kerbabaýew).

**ZARYNLAMAKLYK** [za:ry:nlamaklyk], *iş ady.* Zarynlamak ýagdaýy.

**ZARYNLAŞMAK** [za:ry:nlaşmak], *işl.* Bilelikde zarynlamak.

**ZARYNLAÝYŞ** [za:ry:nlaýyş], *iş ady.* Zarynlamak ýagdaýy.

**ZARYNLYK** [za:ry:nlyk], *at.* Adamyň gaýgyly, naýynjar hal-ýagdaýy, ýürek awadyjy ahwalat.

**ZARYN-ZARYN** [za:ry:n-za:ry:n], *hal.* Örän nalyşly, ýüregiňi gyýyp barýan. *Zaryn-zaryn aglamak.*

**ZARYŇ-ZARYŇ,** *s.ş.aňl.söz.* Zarňyldap çykýan ses.

◊ **Zaryň-zaryň etmek,** *ser.* **Zarňyldamak.**

**ZARY-ZAR** [za:ry-za:r], *hal, k.d., ser.* Zaryn-zaryn. *Görse bu halymny kimse, halyma zary-zar ýyglar (*Magtymguly).

**ZARÝAD** [zarýa:t], *a.,* **1.** Partlaýjy maddanyň partlatmak ýa-da oky atmak üçin kesgitli mukdary**. 2.** Bir zadyň düzümindäki elektrik energiýasy hakynda. *Elektrik zarýady. Zarýadyny ölçemek. Batereýiň zarýady gutarypdyr. Ownuk bölejikleriň položitel zarýady.*

**ZAR-ZAR** [za:r-za:r]**:zar-zar aglamak** zaryn-zaryn aglamak, zarynlap aglamak..

**ZAR-ZELIL** [za:r-zeli:l], *syp.* Bir zadyň ýoklugyndan gynançly halda bolmaklyk. *Beýdip zar-zelil bolup oturma, garyplygam geçer.Zar-zelil eýlär seni, Nebis ugrunda bolsaň mydam* (Seýdi). B*iz seni göresimiz gelip zar-zelil bolduk* (A. Gowşudow).

**ZAT** [za:t] **I,** *at.* **1.** Esasan, ýaşaýyş-durmuş, zähmet işleri we ş.m. ýagdaýlarda zerurlyk edýän her bir aýratyn önüm, her dürli çig mal serişdeleri,

harytlar, goş-golam we ş.m. *Käbir adamlar näbelli bir zadyň netijesine garaşmagy gowy görýärler* (B. Seýtäkow). **2.** Bolan maddy närse, emläge eýelik edýän, ony peýdalanýan we oňa ygtyýarlyk edýän fiziki we ýuridik şahsyň emläginiň bir bölegi, raýat hukugynyň obýekti. **3.** Her hili ýagdaý, bolýan hadysa, waka, ahwalat we ş.m. *Arkaýynçylyk wagtynda-da seniň hemme zada akylyň hem ýetýärdi* (B. Kerbabaýew). *Onuň bolýan zatlardan habary barmyka?* **4.** Üýtgeşiklik. *Birneme köpräk işläniň bilen saňa-da zat bolasy ýok.*

◊ **Zat diýmezlik** birine gaty-gaýrym söz aýtmazlyk.*Oňa karz pul bermediň diýip zat diýäýmegin.* **Hiç zat** hiç bir söz. – *Sen maňa näme aýtjak bolduň? – Hiç zat. Men-ä oňa hiç zat diýemok.*

**ZAT** [za:t] **II,** *at, k.d.* Adamyň, bir zadyň asyl gelip çykyşy, asly, esasy, ýerligi. *Hasan ogluň münen aty, Ajap kandan bolan zaty* ("Görogly"). *Jöwher tuwulgany bozardy kürsi, Zaty jöwher paltam, indi gal indi* (Magrupy).

**ZAT** [za:t] **III, 1.** Arap elipbiýiniň on bäşinji harpynyň ady. **2.** Ebjet hasaby boýunça sekiz ýüz (800) sany aňladýar.

**ZAW** [za:w], *at.* **1.** Dagda deräniň gutaran ýerindäki uçut, kert ýer. *Kimsi depäniň üstüne abanyp duran çalbaş dagyň mähnet zawlaryna haýran galyp bakýar* (A. Durdyýew). **2.** Köwek. *Ýeriň arkasynda, gençli daglarda, Aždarha eýelär zawuň ýagşysyn* (Magtymguly). **3.** Oba ady.

**ZAÝA** [za:ýa], *syp.* **1.** Ynjamak, dymyljamak sebäpli ulanmaga ýaramaýan, isrip edilen, harap bolan. **2.** Biderek, manysyz. *Tohum sal, orar sen, geldiň bu jaýa, Ömrüňi geçirme beýhuda zaýa* (Magtymguly). *Zaýa geçen ömür haýsy? – diýip soradylar* ("Watan") **3.** *göç.m.* Ahlak taýdan bozuk, ýoldan çykan, azan. *Zaýa adam özüňe belli.*

**ZAÝAÇYL** [za:ýaçyl], *syp.* Her bir zady zaýa edegen.

**ZAÝAÇYLYK** [za:ýaçylyk], *at.* Zaýa edilmegiň netijesi, yrýa, isrip bolmaklyk. *Sähel bir ýalňyşlyk goýberseň, giden bir zaýaçylyk* (R. Gelenow). *Olar ylaýta-da aýallardan, çagalardan zaýaçylyk bolmagyndan ätiýaç edýärdi* (Ý. Mämmediýew).

**ZAÝALABERMEK** [za:ýala:vermek], *işl.* Zaýalap başlamak.

**ZAÝALAMA** [za:ýalama], *iş ady.* Zaýalamak ýagdaýy.

**ZAÝALAMAK** [za:ýalamak], *işl.* **1.** Ulanmaga ýaramsyz etmek; harama çykarmak, yrýa etmek, isrip etmek. *Nahary zaýalamak bolmaz.* **2.** Hatardan çykarmak, uly zyýan ýetirmek; döwmek, bozmak. *Ýigitler biri-biriniň yzyndan ýerlikli usul tapyjylyk hem çalasyn hereket etmek bilen duşmanlaryň agyr ýygnyny zaýaladylar* (A. Gowşudow). **3.** *göç.m.* Gyzlyk namysyna degmek, gyzlyk mertebesini basgylamak. **4.** Ýoldan çykarmak, ýaramaz ýola itermek. *Neşe öwredip, ýoldaşlary ojagaz oglany hem zaýalapdyrlar.*

**ZAÝALAMAKLYK** [za:ýalamaklyk], *iş ady.* Zaýalamak ýagdaýy.

**ZAÝALAMAZAK** [za:ýalamazak], *syp.* Zaýalap durmazak, zaýa etgiç däl, zaýalagyç häsiýeti bolmadyk.

**ZAÝALAMAZLYK** [za:ýalamazlyk], *iş ady.* Zaýaçylyk etmezlik, zaýalap durmazlyk, zaýa etmezlik.

**ZAÝALANMAK** [za:ýalanmak], *işl.* **1.** Öz-özünden zaýa bolmak, ulanmaga ýaramsyz bolmak. *Yssyda et zaýalanýar.* **2.** Biri tarapyndan zaýa edilmek. **3.** Zyýan ýetmek, hatardan çykmak, bozulmak, döwülmek. *Agyr ýük maşynlarynyň geçmegi sebäpli, ýollar kem-kemden zaýalanypdyr.* **4.** *göç.m.* Etmesiz zatlara baş goşmak, ýoluňy urdurmak. *Onuň kiçi ogly zaýalanypdyr diýýärler, agzyny hapa urupdyr diýýärller.*

**ZAÝALAŞMAK** [za:ýalaşmak], *işl.* Bilelikde zaýalamak.

**ZAÝALATDYRMAK,** *işl., ser.* **Zaýalatmak**.

**ZAÝALATMAK** [za:ýalatmak], *işl.* Zaýalamagyna, zaýa etmegine ýol bermek, zaýalanmagynyň öňüni almazlyk.

**ZAÝALAÝYŞ** [za:ýalaýyş], *iş ady.* Zaýalamak ýagdaýy.

**ZAÝASYZ** [za:ýasyz], *syp., hal.* Zaýa etmän; içinde zaýasy bolmadyk, ýok. *Pagtany zaýasyz ýygnamak gerek.*

**ZAÝYP** [za:ýyp], *at,k,d., ser.* **Zagyp.** *Zaýybyndan zat bolmanka kazasy ýetip, Adybeg soltan dünýäden ötdi* ("Görogly").

**ZE** [ze:], Türkmen milli elipbiýiniň "Z" harpynyň ady

**ZEBERDEST** [zeverdes], *syp., k.d.* Zor, başarjaň, çalasyn; güýçli.

**ZEBERJET** [zeverjet], *syp., k.d.* Altyn öwüşginli, sarymtyl-ýaşyl reňkli gymmatbaha daş. *Altyn, kümüş, zeberjet sen boýnuňa dakar sen* (Mollanepes).

**ZEBUN** [zevu:n], *syp., k.d.* Biçäre, pakyr, haldan düşen, ejiz, erbet, agyr. *Görse bu zebun halym bady-saba, daň-säher* (Magtymguly). *Derdim zebun habar alsaň, Akgala soltan ederin* (Baýly şahyr).

◊ **Zebun bolmak** hor düşmek, horlanmak. *Zebun boldy meniň halym* ("Şasenem – Garyp").

**ZEBUR** [zebu:r], *at.* **1.** *kön.s.* Ýazgy. **2.** Dawut pygamberiň dini kitaby. *Zebur okap halka nesihat kyldy* ("Görogly").

**ZEHIN** [zehi:n], *at.* Bir zada akyl ýetirmek üçin adamda bar bolan tebigy ukyp.

**ZEHINLI** [zehi:nli], *syp.* Zehini güýçli, ýiti zehini bar bolan.

**ZEHINLILIK** [zehi:nlilik], *at.* Zehini barlyk, zehinsiz dällik, zehini güýçlülik, zehini ýitilik, ukyplylyk. *Bu ýetginjegiň düşbüligine, zehinliligine hemmeleriň syny oturýar.*

**ZEHINSIZ** [zehi:nsiz], *syp.* Zehini bolmadyk, zehini ýok,ukypsyz, körzehin. *Öwez zehinsiz däldi* (A. Gowşudow).

**ZEHINSIZLIK** [zehi:nsizlik], *at.* Zehinli dällik, zehini ýokluk, körzehinlik, ukypsyzlyk.

**ZEKAT** [zeka:t], *at.* Yslam dininiň kada-kanunlaryna görä, hojalyga düşýän girdejiniň kyrkdan biri möçberinde her ýylda berilýän salgyt. *Kimseler döwletment, kimseler garyp, Kimseler haýyr edip zekatyn berip* (Magtymguly). *Allan-allan al beren, Sallançaga sal beren, Zekadyna zer beren, Hüşürine ner beren* (Hüwdi).

**ZELALAT** [zela:lat], *at, k.d.* Ýalňyşmaklyk, hakykatdan daşlaşmaklyk. *Ýada salmaz haýyr işiň, tapgan zelalatdan nyşan* (Magtymguly).

**ZELEL,***at, ser.* **Zyýan.**

◊ **Zelele çapmak** peýdasyz işe baş goşmak, zyýanly iş etmek, haýryna çapmazlyk.. *Düşünýän adam öz zeleline çaparmyka?*

**ZELELKEŞ,** *syp., ser.* **Zyýankeş.**

**ZELELKEŞLIK,** *at, ser.* **Zyýankeşlik.** *Köp zelelkeşlik heňin çalan gördüm, elhepus* (A. Salyh).

**ZELELLI,***syp., ser.* **Zyýanly.** *– Aý, ol zelelli zat däl-le – diýip arkaýynsyrady.*

**ZELELSIZ,***syp., ser.* **Zyýansyz.***Zelelsiz derman. Zelelsiz adam. Zelelsiz zat.*

**ZELIL** [zeli:l], *syp.* Hor-homsy, pakyr, biçäre, ejiz. *Erenlerdir, zelil bolup sürünmez, Ol beladyr, gelse göze görünmez* (Magtymguly).

**ZELLE,***at, k.d.* Galyndy, sarkyndy, agyzdan galan nahar. *Toýdan, aşdan iýip-içip, Elter öýüne zelläni* (Gaýyby).

**ZELLET,** *at,gepl.d.* Iýmitiň, naharyň tagam-tagsyry; ýokumy.

**ZEMIN** [zemi:n], *at, şahyr.* Ýer, toprak.

**ZEMISTAN** [zemissa:n], *at, k.d.* Gyş. *Zemistanda gezen zagy-zagçalar, Horram bolan täze güli begenmez* (Kätibi).

**ZEMMIL,** *at.* Agramybir puta çenli zatlary çekip bolýan el terezisi.

**ZEMMIREK,** *at.*Düýä ýyklenip äkidilýän kiçeňräk top.

**ZEMZEM,** *at.* Käbäniň golaýynda ýerleşýän bir guýy.

**ZEMZEN,** *at.* Arkasy ownuk teňňeli melemtil-saryrak reňkli, boýnunda, arkasynda we uzyn guýrugynda kese goňur zolaklary bolan çölde we dag eteklerinde ýaşaýan uly hažžyk sypatly süýreniji jandar. *Muny gören zemzen hyşşyldap, onuň üstüne towusdy* (O. Ödäýew).

◊ **Zemzen haýbatyny urmak (etmek)** ugursyz haýbat atmak, gorka haýbat atmak. *Gaýly aga nökere garap, zemzen haýbatyny urdy* ("Edebiýat we sungat").

**ZEN,** *at, şahyr.* Durmuşa çykan aýal maşgala (ärine gatnaşygy boýunça). *Ýagşy zen barsa pis äre, Ömrüni ýakan ýalydyr* (Zelili).

**ZENAN** [zena:n], *at.* **1.** *k.d.* Aýallar (*zen* sözüniň köplük sanda gelen şekili). **2.** Jynsy boýunça erkeklere garşylykly jynsdan bolan adam.

**ZENJEBIL** [zenjevi:l], *at.* Dagda bitýän, köki miweli, şibite meňzeş otjumak ösümlik.

**ZENZELE,** *at.* **1.** Bir näçe sesleriň goşulyşmagyndan dörän güýçli şowhun, güwwüldi; goh-galmagal, gopgun. *Uzyn gije olaryň zenzelesi ýatmady-la?* **2.** *k.d.* Ýer titremesi, ýer yranmasy. *Nägehan bir ýere ýetenlerinde, kybla tarapdan bir tupan peýda boldy. Älem zenzeläge düşdi* ("Seýpelmelek – Medhaljemal").

**ZENZELELI,** *syp.* Goh-galmagally, gopgunly.

**ZEŇ,** *at, gepl.d.* Yzgar çekme zerarly jisimleriň ýüzünde emele gelýän pos. *Ol ne göwher, berseň ne kimse almaz, Ol ne altyn, külde hiç bir zeň bolmaz* (Zelili). *Altyna zeň ýokmaz, asla üýtgemez, Ýagşy çykmaz, bedasyldan bet galar* (Aşyky).

**ZEŇLEME,** *iş ady.* Zeňlemek ýagdaýy.

**ZEŇLEMEK,** *işl.* Pos baglamak, zeň baglamak, poslamak. *Gazuw-agtaryş wagtynda zeňläp giden gadymy pullar tapyldy.*

**ZEŇLEŞMEK,** *işl.* Bir topar zat kem-kemden zeňlemek, dura-bara zeňlemek, zeňläp başlamak, poslamak.

**ZEŇLETMEK,** *işl.* Zeň baglatmak, zeň aldyrmak, poslatmak.

**ZEŇLEÝIŞ,** *iş ady.* Zeňlemek ýagdaýy.

**ZEŇLI,** *syp.* Zeň bilen örtülen, pos basan, posly.

**ZEPER,** *at.* Şikes; zelel, zyýan. *Zeperim ýeter sizlere!* ("Seýpelmelek – Medhaljemal"). *Şundan muňa zeper ýeter diýip, ýatsam-tursam kelläme gelenok* (T. Gurbanow).

**ZEPERLI,** *syp., gepl.d.* Şikesli, şikes ýeten, kemli. *Halk oňa sagat mal bermän, zeperlisini bererdi* (N. Pomma).

**ZER,** *at, şahyr.* **1.** Altyn, tylla, gyzyl. *Aňla sözüm, ner zarbyny ner tanar, Har bakan har tanar, zergär zer tanar* (Magtymguly). **2.** Gyzyl, kümüş suwy berlen ýaly reňkli sapak we şolar ýaly sapak bilen salnan nagyş. *Matanyň zer sapaklary altyn öwsüp durdy.*

**ZERARLY** [zera:rly], "Sebäpli, ýaňa, üçin, ötri" manylarynda ulanylýan sözsoňy kömekçi.

**ZERBAP** [zerva:p], *at, k.d.* Zer bilen bezelen, zerli sapaklar goşulyp dokalan mata. *Ýüz müň ak otagly zerbap ýapylan, Ýüz müň hoşboý müşki-anbar sepilen* (Aşyky)

**ZERÇIBE** [zerçive], *at.* Nahara atylýan yslyja ot. *Zerçibe çorbany tagamly edýär.*

**ZERDALY** [zerda:ly], *at, k.d.* Erik (agajy we miwesi). *Zerdaly saýasynda Mätäji taryp etse* (Mätäji).

**ZEREŇ I,** *at.* Kerkawlar maşgalasyndan bolan agaç.

**ZEREŇ II,** *syp., gepl.d.***1.** Başarjaň, ökde, ýiti. *Ol zereň oglan.* **2.** Çalasyn, çakgan ýüwrük. *Tüweleme, atyň-a zereň eken.* **3.** Keýpi kök, saz. *Ýagşy ýoldaş bolsa, keýpiň zereňdir* (Zelili).

**ZEREWŞAN** [zeröwşa:n], *at, k.d.* **1.** Zer-altyn pürkilen, altyn çaýylan. *Gara gözli, zerewşan käkilli kenizler ony görüp, akyl-huşdan aýryldylar* ("Saýatly – Hemra"). *Badam gabak, ýakut saçly, Zülpi zerewşanym gelýär* (Zelili). **2.** Gülüň ady. *Sährada zerewşan güller açylypdyr.*

**ZERGÄR** [zerğä:r], *at.* Kümüş ussasy, kümüşden, altyndan şaý-sep ýasaýan hünärli adam. *Zer gadryny zergär biler* (Nakyl).

**ZERGÄRÇILIK** [zerğä:rçilik], *at, ser.* **Zergärlik.** *Zergärçilik önümleri orta asyrlarda-da Türkmenistanyň çäklerinde giňden mälim bolupdyr.*

**ZERGÄRLIK** [zerğä:rlik], *at.* Zergäriň kesp-käri, zergärçilik. *Zergärlik senediniň täzeden güllemegi Garaşsyzlyk döwrüne degişlidir.*

**ZERLEME,** *iş ady.* Zerlemek ýagdaýy.

**ZERLEMEK,** *işl.* **1**. Zer çaýmak, gyzyl çaýmak, gyzyllamak. **2**. *göç.m.* Zer, altyn çaýylan ýaly owadan görkezmek. *Eýýäm gün ýaşypdy, emma onuň altyn nurlary, ýalňyz buludy mylaýymja zerleýärdi* (N. Jumaýew).

**ZERLEMEKLIK,** *iş ady.* Zerlemek ýagdaýy.

**ZERLENMEK,** *işl.* Zer çaýylmak, gyzyl çaýylmak, gyzyllanmak.

**ZERLEŞMEK,** *işl.* **1**. Zerlemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde zerlemek.

**ZERLETMEK,** *işl.* Zerlemek işini başga bitine etdirmek.

**ZERLEÝIŞ,** *iş ady.* Zerlemek ýagdaýy.

**ZERLI,** *syp.* **1**. Zer çaýylan, zer bilen bezelen. *Baryň, tizden oglanyň egnine iki sany zerli don getirip ýapyň!* ("Nejep oglan"). *Ýurdumyzda her ynsany bezesin, Ýürekden dokalan zerli matalar* (M. Seýidow). **2**. Gyza dakylýan at.

**ZERNIGÄR** [zerniğä:r], *syp., şahyr.* Altyn suwy berlen, gyzyl çaýylan. *Täji-tagty, lagly-göwher, Zernigär istär köňül* (Gaýyby).

**ZERRE,** *at.* **1.** Bir zadyň iň kiçijik bölegi. **2.** *göç.m.* Sähelçe, hiç, hiç bir. *Men bilmedim, mende zerre günä ýok, Hatam bolsa, geçgin günähim, Döndi* (Zelili).

**ZERRIN** [zerri:n], *syp., k.d.* Zer bilen bezelen, gyzyldan ýasalan (şaý, bezeg hakynda). *Başynda karkara, zerrin otaga, Şasenem sypatly gyzlary bardyr* (Magtymguly). *Zerrin kemer.*

◊ **Zerrin bolmak** bir zatdan gowy doýmak, gerk-gäbe bolmak. *Süýji gaýnatmadan iýip zerrin bolduk.*

**ZERUR** [zeru:r], *syp.* Hökmany suratda gerek, möhüm, derwaýys bolan, gerekli, wajyp, derkar.

**ZERURÇYLYK** [zeru:rçuluk], *at, ser.* **Zerurlyk.**

**ZERURLYK** [zeru:rluk], *at.* Juda gereklilik, örän wajyplyk, möhümlik, derkarlyk.

**ZERURYÝET** [zeru:rýet], *at, ser.* **Zerurlyk**.

**ZERZAW** [zerza:w], *syp.* Gaty agyryly, azary alyp barýan. *Onuň bütin ýagyrnysy zerzawdy* (B. Kerbabaýew).

**ZERZAÝA** [zerza:ýa], *syp.* Gaty harap bolan, juda zaýalanan, tutuşlugyna harama çykan. *Ýene-de bary zerzaýa bolar galar* (H. Garabaýew).

**ZERZAÝAÇYLYK** [zerza:ýaçylyk], *at, ser.* **Zer-zaýalyk.** *Zerzaýaçylyga ýol bermäliň.*

**ZERZAÝALYK** [zerza:ýalyk], *at.* Bütinleý haraplyk, doly zaýaçylyk, has zaýa edilmeklik.

**ZEÝ,** *at.* Ýerasty suwlarynyň gereginden köp bolmagy sebäpli ýokary çykýan yzgar, şor. *Zeý suwy.*

**ZEÝBENT** [zeývent], *at.* Zeý geçirmezlik üçin jaýyň binýadynyň üstünden goýulýan pürs, agaç.

**ZEÝILLI,** *syp., gepl.d.* Kimin, ýaly, dek. *Bize gereklisi şu zeýilli enjamlar.*

**ZEÝIRDÄBERMEK** [zeýirdä:vermek], *işl.* Zeýirdäp başlamak.

**ZEÝIRDEME,** *iş ady.* Zeýirdemek ýagdaýy.

**ZEÝIRDEMEK,** *işl.* Zeýir-zeýir etmek, zeýrenmek.

**ZEÝIRDEMEZLIK,** *iş ady.* Zeýirdäp oturmazlyk, zeýirdemekden saklanmak.

**ZEÝIRDEŞMEK**, *işl.* Bilelikde zeýirdemek.

**ZEÝIRDETMEK,** *işl.* Zeýirdemegine mümkinçilik döretmek, zeýirdemegine ýol bermek.

**ZEÝIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Zeýirdemek ýagdaýy.

**ZEÝIRDI**, *at.* Zeýirdemek arkaly ýüze çykýan zeýrenç.

**ZEÝIR-ZEÝIR**, *s.ş.aňl.söz.,at., ser.*Zeýrenilende çykýan zeýirdili sesler. *Seniň zeýir-zeýriň galmady-la.*

◊ **Zeýir-zeýir etmek** zeýrenip gürlemek, zeýirdemek. *Ol zeýir-zeýir edip, bolan wakany gürrüň berdi.*

**ZEÝKEŞ,** *at.* Ýeriň artykmaç şor suwlaryny çekdirmek, akdyrmak üçin ýörite gazylýan uly ýap.

**ZEÝKIR,** *at.* **1.** Goýun gyrkylanda, gyrkylyk agyrtmaz ýaly başam barmaga saralýan ýüň. **2.** Barmaga geýdirilýän üç gaşly we üç sany kiçijik şelpeli ýüzük.

**ZEÝLEME,** *iş ady.* Zeýlemek ýagdaýy.

**ZEÝLEMEK,** *işl.* Zeýalmak, zeý çykmak, şorlamak.

**ZEÝLEMEKLIK,** *iş ady.* Zeýlemek ýagdaýy.

**ZEÝLEŞMEK,** *işl.* Birneme zeýlemek, zeýläp başlamak.

**ZEÝLETMEK** *işl.* Zeý aldyrmak, şorlatmak. *şor suw ýeri zeýledipdir.*

**ZEÝLEÝIŞ,** *iş ady.* Zeýlemek ýagdaýy.

**ZEÝLI,** *syp.* Zeýi bar bolan, ýüzüne zeý çykan, zeý alan. *Zeýli çukur.*

**ZEÝLILIK,** *at.* Zeýi barlyk, zeý çekenlik, zeý alanlyk. *Ýeriň zeýliligi oba hojalygyna köp zyýan ýetirýär.*

**ZEÝRENÇ,** *at.* Bir zatdan dilgir bolup käýinmeklik, bir zada närazy bolup, söz bilen bildirilýän nägilelik.

**ZEÝRENÇLI** [zeýrenişli], *syp.* Zeýrenç bilen beýan edilýän, zeýrenç bilen syzdyrylýan. *Zeýrençli gürrüň.*

**ZEÝRENÇSIZ** [zeýrenişsiz], *syp.* Zeýrenç gatanjy bolmadyk, zeýrenmän. *Sen zeýrençsiz hem bir gürrüň etsene!*

**ZEÝRENDIRMEK** [zeýrennirmekl, *işl.* Zeýrenmegine sebäp bolmak.

**ZEÝRENIŞ,** *iş ady.* Zeýrenmek ýagdaýy.

**ZEÝRENIŞMEK,** *işl.* Biri-biriň bilen zeýrenmek. *Japbaklar bir gün üýşüp oturyp, öz aralarynda zeýrenişdiler* (B. Kerbabaýew).

**ZEÝRENJEŇ,** *syp.* Mydama zeýrenip ýören, zeýrenip ýörmäge endik eden. *Zeýrenjeň adam. Zeýrenjeň bolmak gowy däl.*

**ZEÝRENJIREMEK,** *işl.* Zeýrenen bolmak, çalarak zeýrenmek. *Zeýrenjiräp gürrüň bermek.*

**ZEÝRENME,** *iş ady.* Zeýrenmek ýagdaýy.

**ZEÝRENMEK,** *işl.* Bir zatdan (durmuşyňdan, biriniň bolşundan, umuman, hal-ýagdaýyňdan we ş.m.) nägileligiň hakynda gürlemek. *Akylsyzlar akyl gözlär, zeýrener, Akyl bolan diýer: "Aklym köp bolsa"* (Magtymguly). *Bu bagt üçin sen zeýrenmän, Alkyş aýt kysmatyňa* (G. Ezizow).

◊ **Zeýrenmek zeýren(mek)** *gepl.d.* gaty zeýrenmek. *Ol ýanymda oglundan, diýip-aýdar ýaly däl, şeýle bir zeýrenmek zeýrendi, oňa özümiňem ýüregim awap gitdi.*

**ZEÝRENMEKLIK,** *iş ady.* Zeýrenmek ýagdaýy.

**ZEÝTUN,** [zeýtu:n], *at.* **1.** Howasy yssyrak ýerlerde ösýän hemişe gök salyp oturan agaç. *Daýhanlar kärendesine alan ýerlerinde zeýtun agajyny ekdiler.* **2.** Şol ösümligiň miwesi.

**ZÄHER,** *at.* **1.** Zäherlenme döredýän, öldürýän jisim, awy. *Ýylanyň daşy ýumşak, içi zäher* (Nakyl). **2.** *göç.m.* Bir zadyň ajy, ýiti, ýaramaz täsiri, oňaýsyz täsir edýän zat. *Şekerlikden zäher boldy sözlerim, Zagpyran dek sargarypdyr ýüzlerim* (Magtymguly). **3.** *göç.m.* Bir zada gahar bildirilip aýdylýan gargyş sözi. *Zäher etdiňmi, ýok bol gözümiň öňünden, görünme* (A. Durdyýew).

**ZÄHERLEME,** *iş ady.* Zäherlemek ýagdaýy.

**ZÄHERLEMEK,** *işl.* **1.** Janly-jandara zäher bermek; bir zada zäher gatmak, awy goşmak, bir zady awulamak. *Zyýanly mör-mojekleri zäherlemek.* **2.** *göç.m.* Birine erbet söz bilen täsir edip, ters pikire uýdurmak.

**ZÄHERLEMEKLIK,** *iş ady.* Zäherlemek ýagdaýy.

**ZÄHERLEMEZLIK,** *iş ady.* Zäher bermezlik; zäher goşmazlyk, zäher garmazlyk.

**ZÄHERLENMEK,** *işl.* **1.** Bir zada zäher gatylmak, awy goşulmak, awulanmak. **2.** Zäher berilmek; zäher berlip öldürilmek, awulanyp öldürilmek. **3.** *göç.m.* Biri erbet söz bilen täsir edilip, ters pikire uýdurylmak.

**ZÄHERLEÝJI,** *syp.* Zäherläp öldürýän, zäherleýän. *Zäherleýji jisimler. Zäherleýji gaz.*

**ZÄHERLI,** *syp.* **1.** Düzüminde zäher bar bolan, awuly. *Zäherli ýylan. Zäherli jisim.* **2.** *göç.m.* Erbet täsir edýän ýaramaz söz. *Zäherli sözi hergiz-hergiz diliňize almajak boluň!*

**ZÄHERLILIK,** *at.* Zäheri barlyk, awulylyk.

**ZÄHERSIZ,** *syp.* Düzüminde ýa-da özünde awusy, zäheri bolmadyk, zäherli däl. *Zähersiz ýylan.*

**ZÄHIM,** *at.* Kesel, şikes, azar. *Gyşyň zähmi bardyr, ýazyň howasy, Ol hem maňa degsin, ýara degmesin* ("Saýatly – Hemra").

**ZÄHMET,** *at.* **l.** Belli bir maksat üçin adamyň akyl hem-de beden güýjüni talap edýän iş. **2.** *göç.m.* Azap, görgi, jepa. *Ýeriň zähmetini çekmedik eşret görmez.* **3.** Oba ady.

◊ **Zähmet bermek** birini azara goýmak, işdengoýmak. *Size zähmet berdim.* **Zähmet çekmek** köp işlemek, köp güýç sarp etmek, azap görmek, jepa çekmek. **Zähmet depderçesi** gullukçynyň ýa-da işçiniň işlän döwrüniň dowamlylygy, alan sylaglary hem-de işine degişli başga bellikler görkezilýän depderçesi. **Zähmet görmezlik** bir işi etmegi, ýerine ýetirmegi kyn görmezlik. *Sen, inim, zähmet görmede, bazara gidip gel.* **Zähmet haky** çekilen zähmet üçin tölenmeli hak, aýlyk. *Işleýänleriň zähmet haky girdejiniň hasabyna barha ýokarlanýar.* **Zähmet okuwy** zähmet terbiýesiniň möhüm bölegi bolan okuw sapagy. **Zähmet öndürijiligi** çekilýän zähmetiň ýerine ýetirilýändigi, işiň netijeliligi, ykdysady taýdan görkezijisi. **Zähmet pälwany** işde uly üstünlige eýe bolan, zähmetde özüni görkezen adam. **Zähmet rugsady** işçilere we gullukçylara ýylda bir gezek berilýän birnäçe hepdelik dynç alyş. **Zähmet şertnamasy** işgär bilen edara ýolbaşçysynyň arasynda zähmet hakynda belli bir möhlete çenli baglaşylýan ylalaşyk.

**ZÄHMETKEŞ,** *at.* **1.** Öz beden güýjüniň ýa-da akyl zähmetiniň haky bilen ýaşaýan adam (işçi, daýhan, gullukçy). **2.** *ser.* **Zähmetsöýer.**

**ZÄHMETLI,** *syp.* Köp zähmet talap edýän, zähmeti köp sarp etmeli bolýan, kyn. *Zähmetli iş.*

**ZÄHMETSIZ** [zähmessiz]. Köp zähmet talap etmeýän, aňsatlyk bilen amala aşyrylýan, ýeňil bitýän, kynçylyk döretmeýän. *Men seniň öýüňi hiç bir kynçylyksyz, zähmetsiz, aňsatlyk bilen tapdym.*

**ZÄHMETSÖÝER** [zähmessöýör], *syp.* Zähmetçekmegi halaýan, jepakeş, zähmetkeş.

**ZÄHMETSÖÝÜJILIK** [zähmessöýüjülük|, *at.* Zähmete bolan söýgi, zähmete berilmeklik, işi halamaklyk.

**ZÄHRE,** *at.* **1.** Öt haltasy. **2.** *k.d.* Takat, sabyr. *Ýok erdi zähresi toba kylara* (Sopy Allaýar).

◊ **Zähresi ýarylmak** birdenkä gaty gorkmak, allaniçigsi bolmak. *Annaguly muňa zähresi ýarylan ýaly arkan serpildi* (A. Durdyýew).

**ZÄHRIMAR** [zährima:r], *at.* **1.** Ýylanyň zäheri, ýylanyň awusy **2.** *göç.m.* "Bela, zakgun, awynyň sapy" ýaly manylarda gelýän käýinç söz. *Gap sesiňi! Sem bol, zährimar!* (A. Nazarow). **3.** *gepl.d.* Zäher goşulan ýaly ajy zat, arak, neşe. *Şol zährimardan datsaň, maşgalanyň gününi bularsyň.*

**ZÄK** [zä:k], *at.* Alýuminiň, demriň, şonuň ýalyda aşgarly metallaryň ikili kükürtturşy duzy. *Kümüş zäge mätäç, altyna – simap (Mollanepes). Gül tikensiz bolmaz, daglar gaýasyz, Ýüpüň hiç reňk almaz zäksiz, boýasyz* (Kemine).

◊ **Zäk ýaly** örän ýiti, turşumtyk ajy tagamly. *Suwuň tagamy edil zäk ýaly diliňi ýaryp barýardy* (B. Kerbabaýew).

**ZÄKLEME** [zä:kleme], *iş ady.* Zäklemek ýagdaýy.

**ZÄKLEMEK** [zä:klemek], *işl.* **1.** Ýüpek, ýüň we ş.m. zatlary öz agramynyň bäşden birine deň bolan zägiň ergininde gaýnatmak. *Ýüpegi zäklemek.* **2.** Zäk atmak, zäk gatmak.

**ZÄKLEMEKLIK** [zä:klemeklik], *iş ady.* Zäklemek ýagdaýy.

**ZÄKLENMEK** [zä:klenmek], *işl.* Bir zada zäk gatylmak, goşulmak. *Bu ýüň zäklenipdir.*

**ZÄKLEŞDIRMEK** [zä:kleşdirmek], *işl.* Köp zady zäkläp çykmak.

**ZÄKLEŞMEK** [zä:kleşmek], *işl.* Zäkletmäge kömekleşmek.

**ZÄKLETMEK** [zä:kletmek], *işl.* Zäk atdyrmak, zäk gatdyrmak.

**ZÄKLEÝIŞ** [zä:kleýiş], *iş ady.* Zäklemek ýagdaýy.

**ZIBIL** [zivil], *at.* Taşlandy, hapa-hupa, galyndy, köne-sana, zir-zibil.

**ZIBILHANA** [zivilha:na], *at.* Zibil atylýan ýer. *Zibilhanalary ýaşaýyş jaýlaryndan uzagrakda goýmaly.*

**ZIBILLIK** [zivillik], *at.* Köp hapa atylan ýer, zibiliň köp ýygnanan ýeri. *Zibillik ýer.*

**ZIKGE,** *at.* Metaldan ýasalan pul.

◊ **Zikge kakmak** pul ýasamak, pul çykarmak. *Zikge kakylýan ussahanalaryň tüýnüklerinden çykýan gara tüsse galanyň depesindäki gara keçe ýaly asylyp duran gijäniň içine siňip gidýärdi* (B. Seýtäkow). *Näme, men zikge kakýandyr öýdýärmiň?*

**ZIKGEHANA** [zikgeha:na], *at.* Metal pullary, şaýylyklary zikgelemek we döwletiň metaldan ýasaýan döşe dakylýan tapawutlandyryş nyşanlaryny taýýarlamak bilen meşgullanýan kärhana.

**ZIKIR,** *at, k.d.* **1.** Ýatlama, ýat etme. **2.** Hudaýyň adyny gaýtalama. *Ryzk üçin gam iýme, haka zikr eýle, Ezelde ýazylan senden daş bolmaz* (Magtymguly). **3.** Küştdepdiniň bir görnüşi. *Toýlarda ýerine ýetirilýän zikire "Yşky zikir" diýlipdir* (A. Jykyýew).

◊ **Zikir çekmek** hudaýyň, öwlüýäleriň adyny tutup, köne dini kitaplardan sesli gazal okamak.

**ZIL** [zi:l], *at, gepl.d.* Tutuş. *Almalar zil gurçuklapdyr.*

**ZILLE: zille bolmak 1.** *kön.s.* hor bolmak, horlanmak. *Men bu ýolda şunça zille bolmuşam, Munda galyp, ejizligim bilmişem* (Magtymguly). **2.** kimdir birine ýa-da bir zada garaşyp-garaşyp bizar bolmak, halys bolmak. **Zilläň çykmak** bizaryň çykmak, lütüň çykmak, halys ýadamak. *Garaşmakdan ýaňa zillämiz çykdy.*

**ZILLEZAR** [zilleza:r], *at, gepl.d.* Intizar. *Garaşyp-garaşyp zillezar boldum.*

**ZINDE** [zinne], *syp., k.d.* Diri, janly. *Imanyň bolsa, zinde sen, Sen hem öter sen ogulsyz* ("Hüýrlukga – Hemra").

**ZINET** [zi:net] **I,** *at, kön.s.* Hormat, sylag. *On sekizgün at baýragy berildi. Günde ýüz müň zinet-de-şan ýetişdi* (Allahy).

**ZIŇK: ziňk etmek** *ser.* **Ziňkildemek 1.** *Ol ziňk edip tisgindi.*

**ZIŇKIDIKLEMEK,** *işl.* Agsaklap çalt ýöremek, leňkildäp çalasyn hereket etmek, ziňk-ziňk edip çalt ýöremek.

**ZIŇKILDEME** [zinkilleme], *iş ady.* Ziňkildemek ýagdaýy.

**ZIŇKILDEMEK** [ziňkillemek], *işl.* Birden tisginip gitmek, ziňk etmek. *Ol edil böwrüne dürtülen ýaly ziňkildäp gitdi.*

**ZIŇKILDEMEKLIK** [ziňkillemeklik], *iş ady.* Ziňkildemek ýagdaýy.

**ZIŇKILDEMEZLIK** [zmkillemezlik], *iş ady.* Ziňkildäp durmazlyk.

**ZIŇKILDEŞMEK** [ziňkilleşmek], *işl.* Bilelikde ziňkillemek. *Egniňi ziňkildetmek.*

**ZIŇKILDEÝIŞ** [ziňkilleýişJ, *iş ady.* Ziňkildemek hereketi.

**ZIŇKILDÄBERMEK** [ziňkillä:vermek], *işl.* Birden silkinibermek, tisginibermek.

**ZIRE** [zi:re], *at.* Däneli otjumak ösümlik.

**ZIREK** [zi:rek], *syp., k.d.* Ýiti pähimli, akylly, başarjaň, öňünden biliji adam. *Ol pähimli we kemal tapyp, dana hem zirek boldy* ("Asly – Kerem"). *Onda Bany diýen bir akylly zirek keniz bar erdi* ("Saýatly – Hemra"). *"Soltanyň zirek akylyna haýrandyryn!" diýipdir* (B. Kerbabaýew).

**ZIRE-ZIRE** [zi:re-zi:re], *syp.* Däne-däne bolup duran, seçelenip duran, digir-digir. *Gökje-gökje, zire-zire güllerden, Aýagyma zerrejikler gaçýardy* (K. Gurbannepesow).

**ZIRK,** *at.* Sarytikeniň dym-gyzyl turşy miwesi.

◊ **Zirk ýaly** gaty turşy, örän turşy. *Burçuňyz ajymy? – Datdajyk göräý, edil zirk ýalydyr...* (K. Gurbannepesow).

**ZIR-ZIBIL** [zi:r-zivil], *at.* **1.** *ser.* **Zibil.** *Köçeleri zir-zibillerden arassa saklamaly.* **2.** *göç.m.* Derde ýaramaýan, bolgusyz, ugursyz kişiler. *Biziň aramyzda öňe gitmegimize päsgel berýän zir-zibiller bolmaly däldir.*

**ZOB** [zo:p], *at, lukmanç.* Galkan şekilli mäziň agyryly ulalmagy; galkan şekilli mäziň ulalmagy bilen döreýän kesel.

**ZOGDURYLMAK** [zoğdurulmok], *işl.* **1.** Batly akmak, zarply çogup çykmak. *Nebit turbany dürten ýeriňden zogdurylyp durmukan öýdýärdik weli, beýle däl ekeni* (B. Kerbabaýew). **2.** Burum-burum bolup çykmak. *Öýleriň depesinden burum-burum bolup, gara tüsseler zogdurylýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ZOGULDAMA** [zo:ğullomo], *iş ady.* Zoguldamak ýagdaýy.

**ZOGULDAMAK** [zo:ğullomok], *işl.* Zoguldyly ses çykmak; zoguldyly ses çykarmak. *Surnaýlar zoguldady.*

**ZOGULDAŞMAK** [zo:ğulloşmok], *işl.* Köp ýerden zoguldap ses çykmak.

**ZOGULDATMAK** [zo:ğullotmok], *işl.* Zoguldyly seslendirmek. *Çagalar tüýdüklerini zoguldadyp çalýardylar.*

**ZOK** [zo:k], *at.* **1.** Gämilerde, otlularda, iri kärhanalarda we ş.m. ýerlerde batly signal berýän mehaniki enjam. **2.** Zoguň sogup çykýan ýogyn sesi. *Gämi özüniň ilkinji zoguny çalyp ýola düşdi.*

**ZOK-ZOK** [zo:k-zo:k], *s.ş.aňl.söz.* Zoguň ýa-da üflenip çalynýan saz guralynyň bölünip-bölünip çykýan sesi. *Zok-zok edip çalyber, ahyry öwrenersiň.*

**ZOL** [zo:l] **I,** *at, ser.* **Zolak.** *Mälikguly tomusda kümeçilik diýlip atlandyrylýan ýazlagda — deryanyň aýagyndaky zoluň* kepellerinde – suwlary kepän tekiz meýdanlarda, kümäniň gapdalynda asmana bakyp ýatmagy gowy görýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet guşy, 449 s.). *Iki gumuň arasy zoluň ugrudy.*

**ZOL** [zo:l] **II,** *hal.* Yzyny üzmän, gaýta-gaýta, öwran-öwran, birsyhly, garşy-garşy, häli-şindi. *Zolmen gürläp otyryn, sizem bir zat diýiň.*

**ZOLAK** [zo:lok], *at.* **1.** Matanyň we käbir haýwanlaryň, mör-möjekleriň bedenindäki zol-zol çyzmyklar. *Ol guşuň ganatlarynyň üstünde ak zolak bar. Gyzlar bazardan içinden zolak zer geçen mata aldylar.* **2.** Bir zadyň ýol-ýol bolup uzap gidýän ugry. *Owadan zolaklarda dürli güller ekildi* ("Mugallymlar gazeti"). **3.** Giňişligiň bir ugra uzap gidýän bölegi. *Dagyň eteginde uzalyp gidýän agaç zolaklary döredildi.* **4.** Meýdan, giňişlik, çäk.

**ZOLAKLY** [zo:lokly], *syp.* Zolaklary bar bolan, zolak-zolak. *Onuň egninde zolakly nepis matadan tikilen penjek bardy.*

**ZOLAK-ZOLAK** [zo:lok-zo:lok], *syp.,* Birnäçe zolakdan ybarat bolan. *Zolak-zolak matadan tikilen köýnek.*

**ZOLLY** [zo:lly], *syp., ser.* **Zolakly.** *Onuň aýagynda gara zolly köwüş bardy.*

**ZOLY** [zo:ly], *at, k.d.* Howply tussaglaryň boýnuna salynýan uzyn zynjyrly demir halka. *Bendi edip zoly salsam boýnuňa* ("Ýusup – Ahmet").

**ZOL-ZOL** [zo:l-zo:l] **I,** *syp., ser.* **Zolak-zolak.** *Ol ýazyna geýmek üçin özüne zol-zol matadan geýim buýurdy.*

**ZOL-ZOL** [zo:l-zo:l] **II,** *hal, ser.* **Zol II.** *Ol zol-zol uludan demini aldy.*

**ZOM** [zo:m], *syp.,gepl.d.* Gödek, gödeksi. *Bir iş edende usul bilen gymyldaman, zomap bir zat etjek bolýan adama zom diýilýär.*

**ZOMAMA** [zo:momo], *iş ady.* Zomamak ýagdaýy.

**ZOMAMAK** [zo:momok], *işl.* Güýç bilen öňe omzamak, göwräňi öňe berip dyzamak, zor salmak. *Duşman aljak bolup, nebti, gallany, Öňe zomap, iýýär gyzgyn gülläni* (N. Annagylyjow). *Nobatda yzda duranlar zomap, öňe geçjek boldular.*

**ZOMAMAKLYK** [zo:momokluk], *iş ady.* Zomamak ýagdaýy.

**ZOMAŞMAK** [zo:moşmok], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde ýerli-ýerden zomamak, güýç bilen öňe omzaşmak.

**ZOMAÝYŞ** [zo:moýuş], *iş ady.* Zomamak ýagdaýy.

**ZOMP: zomp etmek** bir ýerden duýdansyz çykmak, zompuldap birden peýda bolmak. *Onýança ol zomp edip, ýene-de guýrugyny şapyrdadyp gitdi* (A. Atajanow).

**ZOMPA** [zompo], *hal.* Garaşylmadyk ýagdaýda, duýdansyz, birden. *Zompa çykan alaka oglanlary birbada arkan serpikdirdi* (N. Esenmyradow).

**ZOMPARMA** [zompormo], *iş ady.* Zomparmak ýagdaýy.

**ZOMPARMAK** [zompormok], *işl.* Depesi çürelmek, somalyp durmak. *Onuň telpeginiň depesi zomparyp durdy.*

**ZOMPULDAMA** [zompullomo], *iş ady.* Zompuldamak ýagdaýy.

**ZOMPULDAMAK** [zompullomok], *işl.* Birden çykmak, birden peýda bolmak, zompa çykmak. *Şol wagt gapdaldaky alaňyň üstünden üç-dört sany atly zompuldap çykdy* (Ý. Mämmediýew).

**ZOMPULDAŞMAK** [zompulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup yzly-yzyna zompuldamak, yzly-yzyna zompa çykmak. *Suwa düşýän çagalar birden suwa çümüp zompuldaşyp çykýardylar.*

**ZOMPULDAÝYŞ** [zompulloýuş], *iş ady.* Zompuldamak hereketi.

**ZOŇK:zoňk etmek** Bir sebäp bilen oturan ýeriňden zöwwe galmak. *Birden peýda bolan garadan gorkyma zoňk etdim.*

**ZOŇKULDAMAK** [zoňkullomok], *işl.* Zoňk-zoňk edip hereket etmek, ýöremek.

**ZOŇK-ZOŇK: zoňk-zoňk etmek** bir kada ýöremän, her ädim ädende göwresini galdyryp ýöremek, ziňkildäp ýöremek. *Zoňk-zoňk edip ýöremek.*

**ZOŇŇARMAK** [zoňňormok], *işl.* Somalyp durmak, somalyp oturmak. *Öz boýun alan işiňi oňarmajak bolsaň, näme üçin ol ýerde zoňňaryp otyrsyň?* (B. Kerbabaýew).

**ZOŇTAR** [zoňtor], *syp.* Gödeksi, gödek, ýerliksiz. *Pökgeniň zoňtar gürrüňleri Öweze gaty degdi* (A. Gowşudow). *Olaryň ikisiniň hem ýeňsesinden çatybermeli zoňtar murtlary bardy* (N. Pomma).

◊ **Zoňtaryny oklamak** gürrüňçilikde ýerliksiz bir söz aýtmak.

**ZOŇTARLYK** [zoňtorluk], *at.* Ýerliksizlik, bijaý hereket. *Zoňtarlyk edip ýörme-de, edepli bol.*

**ZOOLOGIÝA** [zoolo:ğyýa], *at.* Haýwanat dünýäsini, haýwanlaryň gurluşyny, ýaşaýşyny we olaryň ýaýraýşyny, ýaşaýan ýerine gatnaşygyny we ş.m. öwrenýän ylym.

**ZOR** [zo:r] **I,** *syp.***1.** Güýç, kuwwat, gujur. *Ganymlardan aldyň ary, Kuwwatlandy goluň zory* (Durdy Gylyç). **2.** Güýçli, edenli, kuwwatly, gujurly. *Her ýerde zor adamlar bar-ow.* **3.** Oňat, gowy; ökde, gaýratly. *Dag göwsünden nebit alýan zor oglan* (G. Seýitliýew).

◊ **Zora düşmek** zorluk görmek, güýçlä sezewar bolmak. *Atam meni zora düşüp barýandyr hyýal etmesin* ("Görogly"). **Zor bermek** köp güýç sarp etmek, güýçli hereket etmek, bir işe janypkeşlik bilen ýapyşmak. *Araňyzda geleňsizlik bolmasyn, Zor berip işläliň ýygym wagtynda* (A. Salyh). **Zor etmek** zorluk etmek, güýç görkezmek. *Meni goşunçylyga ýaratsalar, dagy men zor edip ýaratdyraýynmy?* (A. Gowşudow). **Zor görmek** güýç görmek. *Aýgytly söweşde gudrat görkezýär, Näçe zor görse-de, bermeýär ýeňse* (B. Kerbabaýew). **Zor salmak** *ser.*

**Zor bermek.** *Biri-biriniň sesini basmak üçin bokurdaklaryna zor salyp gygyrdylar* (B. Seýtäkow).

**ZOR** [zo:r] **II,** *at, gepl.d.* Duz. *Naharyň zory ýetipdir.*

**ZORAÝAKDAN** [zo:raýakdan], *hal.* Zorluk bilen, güýç bilen, zora galyp, nalaç, bialaç.

**ZORBAGY** [zo:rva:ğy], *at.* Hamydyň aşak uçlaryny birleşdirmek üçin ulanylýan bag.

**ZORDAN** [zo:rdon], *hal.* **1.** Kynlyk bilen. *Gözlerinden biygtyýar dökülen ajy ýaşy tiz süpürip, zordan saklandy* (H. Derýaýew). **2.** Çala, çalaja. Aýaklaram zordan hereket edýärdi ("Edebiýat we sungat").

**ZORLAMA** [zo:rlomo], *iş ady.* Zorlamak ýagdaýy.

**ZORLAMAK** [zo:rlomok], *işl.* **1.** Güýç bilen bir zady etmek, zorluk etmek, bir zat etmäge mejbur etmek. *Sen özüň keýpihon gidýärmiň ýa agaň zorlap iberýämi?* (B. Kerbabaýew). **2.** Güýç ulanmak bilen aýal-gyzlaryň namysyna degmek.

**ZORLANMAK** [zo:rlonmok] **I,** *işl.* **1.** Zor edilmek, güýç bilen etdirilmek, zorluk edilmek, mejbur edilmek. **2.** Zorluk bilen namysyna degilmek (aýal-gyzlar hakynda).

**ZORLANMAK** [zo:rlonmok], **II,** *işl.* Suwy azalyp duzly bolmak, duzy artmak, güýçlenmek (nahar hakynda). *Çorba birneme zorlanypdyr.*

**ZORLUK** [zo:rluk], *at.* **1.** Adama edilýän jebir-jepa, sütem, zulum. **2.** Güýç, kuwwat, güýçlülik, kuwwatlylyk.

◊ **Zorluk etmek** gynamak, horlamak, sütem, zulum etmek, jebir çekdirmek. *Eger zorluk etjek bolsa, Ýumrugy birden salmaly* (Ç. Aşyrow).

**ZORLURAK** [zo:rlura:k], *syp.* Azda-kände zorly, duzlurak. *Nahar zorlurak bolupdyr.*

**ZORLY** [zo:rly], *syp.* **1.** Duzy köpräk atylan, duzy artygrak düşen, duzly, güýçli (naharyň tagamy hakynda). **2.** Güýç-kuwwaty bar bolan, edenli. *Ol güýç zorly ellerde, Polat, demir eredýär* (A. Kowusow).

**ZORRUK,** *syp.* **1.** Ýogyn, güýçli, gödek (ses hakynda). *Zorruk ses.* **2.** *göç.m.* Gorkak, bolgusyz, züwwetdin. *Aý, sen-ä bir zorruk ekeniň!*

**ZORUGYŞ** [zo:ruğuş], *iş ady.* Zorukmak ýagdaýy.

**ZORUKMA** [zo:rukmo], *iş ady.* Zorukmak ýagdaýy.

**ZORUKMAK** [zo:rukmok], *işl., ser.* **Zorlanmak II**. *Naharyň soňy zorugypdyr.*

**ZORUKMAKLYK** [zo:rukmokluk], *iş ady.* Zorukmak ýagdaýy.

**ZORZEMIN** [zo:rzemi:n], *at.* Ýylandodak atlandyrylýan derman otuň bir görnüşi.

**ZOW: zow deşik** *gepl.d.* öte sadalygy sebäpli içinde gep ýatmaýan adam, hazzyk.

**ZOWAL** [zowa:l], *at.* **1.** Päsgelçilik, garşylyk, bökdenç, zyýan. *Kylma sen men-menlik weli, Her dem ýeter ýüz müň zowal* ("Melike – Dilaram"). **2.** Hasap, hasabat. **3.** Betbagtçylyk, heläkçilik. *Çopan, amanatyň gel, al! Emma oguzyň başyna zowal getirdiň – diýdi* ("Kitaby dedem Gorkut"). **4.** *gepl.d.* Igenç. *Şundan saňa zowal gelmez.*

**ZOWALSYZ** [zowa:lsyz], *syp., gepl.d* Päsgelçiliksiz, garşylyksyz, bökdençsiz, zyýansyz. *Daýhanlar indi öz işini hiç bir zowalsyz ýöredip bilýärler.*

**ZOWK,** *at, kön.s.* Keýp, sapa, lezzet, eşret; hyjuw, höwes. *Zowkum köpdür nirde ýagşy zat bile* (Seýdi).

**ZOWKY-SAPA** [zowku-sapa:], *at.* Keýpi-sapa, aýşy-eşret, lezzet. *Gutarmagyl gelen zowky-sapany, Bikär gezip, ömrüň ýele sowurma!* (Mätäji). *Ahyr zowky-sapa süren Müminler ötdi dünýäden* ("Gül – Senuber").

**ZOWLADYBERMEK** [zowloduvermek], *işl.* Bogazyňa sygdygyndan gygyryp başlamak, zowladyp başlamak. *– Aý, pylan çopan, how, goýnuňy gurt aldy, how! – diýip zowladyberýär* ("Türkmen halk ertekileri").

**ZOWLADYŞMAK** [zowloduşmok], *işl.* Birnäçe bolup zowlatmak, bilelikde zowlatmak, üýşüp gygyryşmak. *Ýogyn sesleri bilen zowladyşyp, aglaşmalaryny goýup, göz ýaşlaryny süpürdiler* (A. Gowşudow).

**ZOWLAMA** [zowlomo], *iş ady.* Zowlamak ýagdaýy.

**ZOWLAMAK** [zowlomok], *işl.* Ýogyn ses bilen dowamly seslenmek.

**ZOWLAMAKLYK** [zowlomokluk], *iş ady.* Zowlamak ýagdaýy.

**ZOWLATMAK** [zowlotmok], *işl.* Bokurdagyňa sygdygyndan gygyrmak, gaty sesli gygyrmak. *Ol aýdyma zowladyp ugrady.*

**ZOWLAÝYŞ** [zowloýuş], *iş ady.* Zowlamak ýagdaýy.

**ZOWWAM** [zowwa:m], *syp.***1.** Bir ugurly, göni geçýän, gös-göni gidýän, dogry. *Bu gara ýol ilerligine zowwam geçip gidýär.* **2.** Sogup çykýan, dowamly (ses hakynda). *Otlynyň zowwam owazyny her säher eşidýäris.*

**ZOWWAM-ZOWWAM** [zowwa:m-zowwa:m], *syp.,ser.* **Zowwam 1.** *Anha, gyrasy derekli, garagaçly, tally, tutly zowwam-zowwam köçeler terslin-oňlyn geçişip kesişýärler* (N. Esenmyradow).

**ZOWZANAKLAMA** [zowzonoklomo], *iş ady.* Zowzanaklamak ýagdaýy.

**ZOWZANAKLAMAK** [zowzonoklomok], *işl., ser.* **Zowzuldamak**. *Ol zowzanaklap durşuna bir agyz hem söz gaýtarman çykyp gitdi.*

**ZOWZANAKLAMAKLYK** [zowzonok-lomokluk], *iş ady.* Zowzanaklamak ýagdaýy.

**ZOWZANAKLAŞMAK** [zowzonokloşmok], *işl.* Birnäçe adam bolup zowzanaklamak. *Näme beýle zowzanaklaşyp ýörsüňiz.*

**ZOWZANAKLATMAK** [zowzonoklotmok], *işl.* Alňasatmak, oda-köze düşürmek, ynjalyksyzlandyrmak.

**ZOWZANAKLAÝYŞ** [zowzonokloýuş], *iş ady.* Zowzanaklamak ýagdaýy.

**ZOWZULDAMA** [zowzullomo], *iş ady.* Zowzuldamak ýagdaýy.

**ZOWZULDAMAK** [zowzullomok], *işl.* Aýagyň bişen ýaly, oda-köze düşüp ýörmek, howsalaly, aladaly hereket etmek, ynjalyksyz ýagdaýda alňasamak, zowzanaklamak, sazanaklamak. *Girer, çykar zowzuldar, belli bir iş bitirmez* (Mätäji).

**ZOWZULDAMAKLYK** [zowzullomokluk], *iş ady.* Zowzuldamak ýagdaýy.

**ZOWZULDAŞMAK** [zowzulloşmok], *işl.* Birnäçe adam bolup zowzuldamak, bilelikde zowzuldamak. *Olar nirede oturyp, nirede turýanlaryny bilmeýärdiler, zowzuldaşyp bir içeri girýärdiler, bir daşary çykýardylar* (B. Seýtäkow).

**ZOWZULDATDYRMAK** [zowzullotdurmok], *işl., ser.* **Zowzyldatmak**.

**ZOWZULDATMAK** [zowzullotmok], *işl.* Zowzuldamaga mejbur etmek, zowzuldar ýaly ýagdaýa salmak.

**ZOWZULDAÝYŞ** [zowzulloýuş], *iş ady.* Zowzuldamak ýagdaýy.

**ZÖHRE** [zöhrö], *at.* **1.** Gün sistemasyna degişli ýyldyzlaryň biriniň ady. *Dogdy asmanyň Zöhresi, Çyn aşyga döwran bu gün* (Magtymguly). **2.** Gyza dakylýan at.

**ZÖMMEK** [zömmök], *syp.* Ujy, depesi çürelip duran, dik, çüri. *Zömmek şypyrma.*

**ZÖMMERILMEK** [zömmörülmök], *işl.* Çürelip durmak, çürelip görünmek. *Indi şol jülgäniň goşa depesi, Bu ýerde zömmerlip galypdyr diňe* (A. Kowusow).

**ZÖMMERIŞ** [zömmörüş], *iş ady.* Zömmermek ýagdaýy.

**ZÖMMERIŞMEK** [zömmörüşmök], *işl.* Zömmek-zömmek bolup durmak, uçlary çürelişip durmak ( köp zat hakynda). *Obanyň içindäki ululy-kiçili howlular zömmerişip görünýärdiler.*

**ZÖMMERME** [zömmörmö], *iş ady.* Zömmermek ýagdaýy.

**ZÖMMERMEK** [zömmörmök], *işl.* Ýokarsy çürelip durmak, dik görünmek, gitdigiçe çürelmek. *Uzakda bir zat zömmerip görnüp başlady.*

**ZÖMMERMEKLIK** [zömmörmöklük], *iş ady.* Zömmermek ýagdaýy.

**ZÖMMÖRTMEK** [zömmörtmök], *işl.* Zömmek edip goýmak, zömmek edip geýmek, dik geýmek. *Telpegiňi zömmerdip nirä gelýärsiň?*

**ZÖRLEDIŞ** [zörlödüş], *iş ady.* Zörletmek ýagdaýy.

**ZÖRLEDIŞMEK** [zörlödüşmök], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde zörletmek.

**ZÖRLETME** [zörlötmö], *iş ady.* Zörletmek ýagdaýy.

**ZÖRLETMEK** [zörlötmök], *işl.* Möňňürip aglamak, uly iliň bilen aglamak. *Öýüň şatyrdysy ýüregine düşen Nurjahan bogazyna sygdygyndan zörledesi gelýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ZÖRLETMEKLIK** [zörlötmöklük], *iş ady.* Zörletmek ýagdaýy.

**ZÖWÜK,** *at.* Bir çapraz ýüplügiň ýa-da ýüpegiň leklekide saralan altydan ýa-da sekizden bir bölegi. *Bir zöwük ýüpek.*

**ZÖWWE** [zöwwö] **: zöwwe galmak (turmak)** birden aýak üstüne galmak, tarsa ýeriňden turmak. *Çary zöwwe ýerinden galdy-da, ýüzüme jüýjerip bakdy* (H. Garabaýew).

**ZÖWZÜLDEME** [zöwzüllömö], *iş ady.* Zöwzüldemek hereketi.

**ZÖWZÜLDEMEK** [zöwzüllömök], *işl., ser.* **Zowzuldamak**.

**ZÖWZÜL-ZÖWZÜL : zöwwül-zöwwül etmek** *ser.* **Zöwzüldemek.** *Aladasy köp bolany sebäpli, bir ýerde karary ýok, ýöne zöwzül-zöwzül edip girip-çykyp ýör.*

**ZÖWZÜLDEME** [zöwzüllömö], *iş ady.* Zöwzüldemek hereketi.

**ZULMAT** [zulmot], *at, k.d.* Tümlük, garaňkylyk. *Ýagty salar gider zulmat tününde* (Magtymguly).

**ZULMAÝY** [zulma:ýy], *syp.* Uzyndan inçe, näzik, gelşikli (barmak hakynda). *Zulmaýy barmak.*

**ZULUM** *at.* **1.** Ynsana çekdirilýän ezýet, jepas, jebir, sütem. *Ne zulmatdyr, kamar şöhlesin salmaz* (Magtymguly). *Kemine diýr, geler bir gün şum ölüm, Kimsäge toý-baýram, kimsäge zulum* (Kemine). *Ülkäni eýläpdir zulumdan halas* (K. Gurbannepesow).

◊ **Zulum etmek** horlamak, gynamak, jebir, sütem etmek. *Ejize zulum etmek namardyň işi* (Halk döredijiliginden). **Zulum görmek** horluga, süteme sezewar bolmak, jebir çekmek. *Aşyk olan gaçmaz ança zulumdan* ("Gül – Bilbil"). *Aşyk bir zulum görmese, Aýra düşermi ýaryndan?* (Mollanepes). **Zulum çekmek** *ser.* **Zulum görmek.** *Zulum çekýänleri etjek bolsaň şat, Batyr işiň görsün bütin adamzat* (R. Seýidow).

**ZULUMDAR** [zulumda:r], *at, ser.* **Zulumkeş.**

**ZULUMDARLYK** [zulumda:rlyk], *at, ser.* **Zulumkeşlik.**

**ZULUMKEŞ** *syp.* Zalym, zulumkär, jepa, sütem beriji, zulum ediji.

**ZULUMKEŞLIK** *at.* Zulumkärlik, zulum edijilik, jepa berijilik, sütemkeşlik, zalymlyk.

**ZULUMLY** *syp.* Zulum edijilikli, sütemli, horlukly, jebirli, jepaly. *Öňler halkymyz zulumly durmuşda ýaşaýardy.*

**ZUT** [zu:t]: **zut gitmek** çalasyn, örän çalt gitmek. *Ol telpegini eline aldy-da, jaýdan zut çykyp gitdi.*

**ZUWALA** [zuwa:la], *at.* Aş kesmek üçin hamyryň ujundan ýolnup alnan kiçiräk bölek. *Ol iki zuwala hamyry ýaýyp, aş kesdi.*

**ZÜLAL** [züla:l], *syp., k.d.* Päk, arassa. *Bolma hursant bu çagyma, Dil uzatma zülalyma* ("Tulum Hoja").

**ZÜLP I**, *at.* Aýal-gyzlaryň iki çekgesinden towlap goýberýän saçy. *Seýkin basyp, zülpün tutup, Geler sallana-sallana* (Kätibi). *Mährijemal dört ýaşyny dolduran wagty ýeňsesinden çokul, iki çekgesinden zülp we alyn saç goýlupdy* (A. Gowşudow).

**ZÜLP II,** *at, gepl.d.* Gabsa, derwezä we ş.m. kakylýan halka görnüşli ildirgiç. *Ikinji gezek bat bilen depilende gabsanyň zynjyra zülpi jyňňyrdap zyňlyp gitdi* (B. Kerbabaýew).

**ZÜLPE** [zülpö]**,** *at.* Düýäniň öýken keseli. *Düýäni zülpe keselinden saplamak üçin duzly arpa berdiler.*

**ZÜLPÜKAR** [zülpüka:r], *at, kön.s.* **1.** Hezreti Alynyň gylyjynyň ady. **2.** *Şahyr.* Kesgir gylyç. *Arap at, ýowly ýigide, Almaz zülpükar gerekdir* (Magtymguly).

**ZÜMERRET** [zümörröt], *at.* Açyk ýaşyl reňkli gymmatbaha daş. *Dokuz goýun, bir öküz, Toýluk geler, leýeran, Altyn-kümüş, zümerret, Boýluk geler, leýeran* (Toý aýdymy). *Bizdenki ýüzüň sowup, ka ýan, ka ýan bakar sen, Altyn-kümüş, zümerret dal gerdene dakar sen* (Kemine).

**ZÜNNAR** [zünna:r], *at, k.d.* Guşak. *Jigerin daglaý-daglaý, Zünnaryn baglaý-baglaý* (Magtymguly).

**ZÜRRELIŞ** [zürrölüş], *iş ady.* Zürrelmek ýagdaýy.

**ZÜRRELME** [zürrölmö], *iş ady.* Zürrelmek ýagdaýy.

**ZÜRRELMEK** [zürrölmök], *işl.* Depesi ýa-da bir ujy inçelip, çowlanyp gitmek, ýokarsy çüri bolmak. *Ýes-ýekeräk bir ýan çetde, Zürrelip dur garaja öý* (B. Kerbabaýew).

**ZÜRRELTMEK** [zürröltmök], *işl.* Depesini ýa-da bir ujuny inçeltmek, çüreltmek, zömmertmek.

**ZÜRRÜK** *syp.* Ýokarsy çüri, çowly, aşagy gabarak görnüşli. *Görseler, olaryň düşlän ýerine golaý çolaja bir ýerde zürrüjek garaja öý oturan eken* (B. Kerbabaýew).

**ZÜRÝAT** [zürýa:t], *at.* Ogul-gyz, çaga, perzent.

**ZÜWWETDIN** [züwwötdüýn], *syp.* **1.** Gorkak. *Annagula köpçüligiň ýene bir dakan ady züwetdindi* (A. Durdyýew). **2.** Baryp ýatan, tüýs. *Tüýs züwwetdin ýalançydy.*

**ZÜWWETDINLIK** [züwwötdüýnlük], *at.* Baryp ýatan gorkaklyk.

**ZYBA** [zy:va:], *syp.* **1.** Görmegeý, gelşikli, owadan, gözel. *Zer geýip, zyba ýörişli, Sapaly jaýlara geldim* (Talyby). **2.** Gyza dakylýan at.

**ZYBALYK** [zy:va:lyk], *at.* Görmegeýlik, gelşiklilik, owadanlyk, gözellik. *Hulky-hoýuňy, bu husnuňy, bu zybalygyny, Bir nazar görse, bolar Ýusuby Kengan sadaga* (Seýdi).

**ZYBAN** [zyva:n], *at, şahyr.* Dil, söz, sözleýiş. *Ilgünüme bagş etdim, Zyban içre asalym* (Magtymguly).

**ZYBRYM** [zyvrym], *syp.* Sap, bütinleý, tükel, durşuna, tutuş. *Ol zybrym bäşlik okaýar.*

**ZYBYK** [zyvyk]: **zybyk jahyl** men diýen ýigit.

**ZYBYRDAMA** [zyvyrdama], *iş ady.* Zybyrdamak ýagdaýy.

**ZYBYRDAMAK** [zyvyrdamak], *işl.* **1.** Sesli çalt ýöremek, çalasyn hereket etmek, dazlap gitmek, dazyrdamak. *Kimdir biri zybyrdap geçib-ä gitdi.* **2.** Tiz, çalt geplemek.

**ZYBYRDAŞMAK** [zyvyrdaşmak], *işl.* Yzly-yzyna zybyrdamak, dazlaşyp gitmek, dazyrdaşyp gitmek.

**ZYBYRDATMAK** [zyvyrdatmak], *işl.* Tiz, çalt okamak.

**ZYBYRDAÝYŞ** [zyvyrdaýyş], *iş ady.* Zybyrdamak ýagdaýy.

**ZYBYRDY** [zyvyrdy], *at.* Çalasyn hereket, okgunly gymyldy, birsyhly çalt hereket.

**ZYBYRTDA-ZYBYRT** [zyvyrtda-zyvyrt], *s. ş.aňl. söz.* Yzly-yzyna çalt bolýan hereket. *Maşynlar deňimizden zybyrtda-zybyrt bolşup geçýärdiler.*

**ZYGDYRYLMAK** [zyğdyrylmak], *işl., ser.* **Zogdurylmak 1.** *Maşyn tigirleriniň astyndan çäge zygdyrylyp yza zyňylýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ZYGYLDAMA** [zy:ğyllama], *iş ady.* Zygyldamak ýagdaýy.

**ZYGYLDAMAK** [zy:ğyllamak], *işl.* Zyk-zyk edip seslenip durmak, zygyldyly ses çykarmak.

**ZYGYLDAŞMAK** [zy:ğyllaşmak], *işl.* Bilelikde zygyldamak, zyk-zyk edişip seslenişip durmak, zygyldyly seslenişip durmak.

**ZYGYLDATMAK** [zy:ğyllatmak], *işl.* Zygyldyly ses çykarmak, zygyldyly seslendirmek. *Gyjagyny zygyldadyp, dutaryň sesine sazlaýardy.*

**ZYGYLDAÝYŞ** [zy:ğyllaýyş], *iş ady.* Zygyldamak ýagdaýy.

**ZYGYLDY** [zy:ğylly], *at.* Zyk-zyk edip çykýan sesiň we käbir sazyň owazyna meňzeş sogup çykýan sesiň ady. *Gyjagyň zygyldysy.*

**ZYGYR** [zy:ğyr], *at.* Dänesinden ýag alynýan, baldagyndan bolsa süýüm önümleri öndürilýän, boýy 20-40 *sm* ýetýän birýyllyk ösümlik.

◊ **Zygyr ýagy 1)** zygyrdan alynýan ýag. *Zygyr ýagyna bişirilen palaw.* **2)** *gepl.d.* Çigit ýagy.

**ZYGYRÇY** [zy:ğyrçy], *at.* Zygyr ösümligini ösdürip ýetişdirýän adam.

**ZYGYRÇYLYK** [zy:ğyrçylyk], *at.* **1.** Oba hojalygynyň zygyr ösümligini ösdürip ýetişdirmek işi bilen meşgullanýan pudagy. **2.** Zygyr ekilen meýdan. *Şundan beýlesi giden zygyrçylykdyr.*

**ZYGYRDYKLAMA** [zyğyrdyklama], *iş ady.* Zygyrdyklamak ýagdaýy.

**ZYGYRDYKLAMAK** [zyğyrdyklamak], *işl.* Bir ýere yzyny üzmän gatnamak, yzly-yzyna, häli-şindi gatnap durmak, zygyr-zygyr gatnamak. *Ol mäşrik ýüwürdýän ýaly zygyrdyklap, häli-şindi bize gelýär.*

**ZYGYRDYKLAMAKLYK** [zyğyrdyklamaklyk], *iş ady.* Zygyrdyklamak hereketi.

**ZYGYRDYKLAŞMAK** [zyğyrdyklaşmak], *işl.* Köp bolup bir ýere yzyny üzmän gatnap durmak, bilelikde belli bir aralyga yzly-yzyna gidip gelmek.

**ZYGYRDYKLAÝYŞ** [zyğyrdyklaýyş], *iş ady.* Zygyrdyklamak hereketi.

**ZYGYRLYK** [zy:ğyrlyk], *at, ser.* **Zygyrçylyk 2.**

**ZYGYR-ZYGYR** [zyğyr-zyğyr]: **zygyr-zygyr gatnamak** *ser.* **Zygyrdyklamak.** *Bolasy, bir zygyr-zygyr, Gatnamaň bar diýýädim-le* (K. Gurbannepesow).

**ZYK** [zy:k]: **zyk etdirmezlik** yzyndan ýetdirmezlik, tutdurmazlyk, örän çalt ylgamak, ele düşmezlik. *Ol gaçanda zyk etdirmän, kowanda iki arany örän tiz ýygyrýardy* (B. Kerbabaýew).

**ZYK-ZYK** [zy:k-zy:k], *s.ş.añl.söz.* **1.** *ser.* **Zygyldy. 2.** *gepl.d.* Gyjak. *Ugrubir zyk-zygyňy alyp gel!...* (B. Kerbabaýew).

**ZYM,** *at.* Çişirilip, uçurylyp oýnalýan çaga oýnawajy.

◊ **Zym uçan ýaly bolmak** ýom-ýok bolmak, ýitirim bolmak, gürüm-jürüm bolmak, sumat bolmak. *Tylla ýüzügiň zym uçan ýaly bolanyna, megerem, üç gün boldy* (T. Gurbanow).

**ZYMDYRYLMAK,** *işl.* **1.** Gaty, tiž, çakgan ylgamak (adam hakynda). *Ol yzyny garaman zymdyrylyp barýardy.* **2.** Ýokary tizlikde geçip gitmek (ulag hakynda). *Ýeňil maşyn deňimizden zymdyrylyp geçdi.*

**ZYM-ZYÝAT** [zym-zyýa:t]: **zym-zyýat bolmak** *ser.* **Zym uçan ýaly bolmak,***Ol bir göründi-de, zym-zyýat bolaýdy.*

**ZYNA** [zyna:], *at.* Biwepalyk, azgynlyk, bozuklyk. *Kaýsy welaýatda köpelse zyna, Zemin jümmüş eýläp, lerzana gelgeý* (Magtymguly).

**ZYNA** [zy:na], *at.* Merdiwanyň basgançaklary. *Şol wagt Jahan şa narbanyň ýokarky zynalaryny basyp barýardy* (IGöroglyI).

**ZYNAGÄR** [zyna:ğä:r], *at, ser.* **Zynahon.**

**ZYNAHON** [zyna:ho:n], *at.* Zyna iş edýän adam, zynagär. *Zynahon sylamaz ilin-ýurduny, Gaýra teser görse äriň merdini* (Magtymguly).

**ZYNAHONLYK** [zyna:ho:nluk], *at.* Zynahon bolmaklyk, zynahonyň ýagdaýy, zynagärlik.

**ZYNAT** [zy:nat], *at.* **1.** Bezeg, owadanlyk, serenjam, gelşik. *Gündize Gün zynat, gijäge magtap* (Kemine). **2.** Gyza dakylýan at.

**ZYNATLAMA** [zy:natlama], *iş ady.* Zynatlamak ýagdaýy.

**ZYNATLAMAK** [zy:natlamak], *işl.* Owadan görnüş bermek, serenjam berip bezemek, owadanlamak.

**ZYNATLANMAK** [zy:natlanmak], *işl.* Owadan görnüş berilmek, serenjam berlip bezelmek, owadanlanmak, gelşigine gelmek.

**ZYNATLAŞMAK** [zy:natlaşmak], *işl.* Owadanlaşmaga kömekleşmek; bilelikde zynatlamak.

**ZYNATLATMAK** [zy:natlatmak], *işl.* Owadan görnüşe getirtmek, bezetmek, owadanlatmak.

**ZYNATLAÝYŞ** [zy:natlaýyş], *iş ady.* Zynatlamak ýagdaýy.

**ZYNATLY** [zy:natly], *syp.* Owadan görnüşli, gelşikli, serenjamly, bezegli. *Paýtagtymyzyň zynatly binalaryny görmäge göz gerek.*

**ZYNÇ,** *at.* Şepbik.

◊ **Zynç bolmak** baslygyp berkişmek, baslykmak, demrikmek. *Suwarylan ýer basalanyp zynç bolupdyr.* **Zynç ýaly** örän gaty (öň ýumşak zat hakynda).

**ZYNDAN** [zynna:n], *at.* Tussag saklanýan jaý, tussaghana, gazamat, türme. *Patyşa zyndana girip, bendi ýatan adamlary hem: "Görogly türkmeni görseňiz tutuň" diýip boşatdy* ("Görogly"). *Ýa öler sen, ýa zyndana düşer sen* ("Gül – Bilbil"). *Dynç gabyr ýagşydyr, ýaman zyndandan, Daş gaçawer dost köňlüni bozandan* (Aşyky).

**ZYNJYR,** *at.* **1.** Biri-biriniň içinden geçýän demir halkalaryň düzümi. *Zynjyr, künde bilen saklarlar seni, Azapda, hasretde – kände, çilimkeş!* (Magtymguly). *Derwezäniň agzynda zynjyryndan boşadylan gyňyr gara köpek ýatyrdy.* **2.** Howply tussaglaryň aýagy, eli baglanýan enjam. **3.** Biri-birine ildirilen halka görnüşli keçä salynýan nagyş.

◊ **Zynjyrdan boşan ýaly** guduz açan ýaly, örän gaharly, gazaply.

**ZYNJYRA,** *at.* **1.** Şaý-sepleriň aýry-aýry bölekleriniň arasyny birleşdirýän halkajyklar. **2.** Kiçijik inçe zynjyr. *...Gabsanyň zynjyra zülpi jyňňyrdap zyňlyp gitdi* (B. Kerbabaýew). **3.** *zergärç.* Gelin-gyzlaryň bezeg şaýy hökmünde boýnuna dakynýan inçejik zynjyry. **4.** Gaýma, basma bilen elde bejerilýän önümlere, halynyň, keçäniň gyra nagşyna dürli reňkde gezekleşdirilip salynýan nagyş.

**ZYNJYRLAMA,** *iş ady.* Zynjyrlamak ýagdaýy.

**ZYNJYRLAMAK,** *işl.* Zynjyr bilen baglamak, zynjyr bilen daňmak, zynjyr salmak.

◊ **Zynjyrlaýmaly bolmak** däliremek, akylyndan azaşmak. *Ýöne muny zynjyrlaýmaly bolaýmasa ýagşydyr* (A. Gowşudow).

**ZYNJYRLAMAKLYK,** *iş ady.* Zynjyrlamak ýagdaýy.

**ZYNJYRLANMAK,** *işl.* Zynjyr bilen baglanmak, zynjyr salnyp bent edilmek, daňylmak. *Aýagy zynjyrlanan at adam garasyny görüp, çalaja kişňedi* (G. Kulyýew).

**ZYNJYRLAŞMAK,** *işl.* Zynjyr bilen baglamaga kömekleşmek.

**ZYNJYRLATMAK,** *işl.* Zynjyr bilen baglatmak, zynjyr saldyryp bent etdirmek, daňdyrmak. *Ýarak itleri zynjyrlatmak.*

**ZYNJYRLAÝYŞ,** *iş ady.* Zynjyrlamak ýagdaýy.

**ZYNJYRLY,** *syp.* **1.** Zynjyr bilen baglanan, zynjyr salnyp bent edilen. *Boýny zynjyrly özüne üýrüp duran ak iti gördi* (A. Durdyýew). **2.** Zynjyr arkaly hereket edýän. *Kärendeçi şu ýyl zynjyrly traktor satyn aldy.*

**ZYNHAR** [zynha:r], *hal, k.d.* Asla, hergiz, hiç wagt, hiç haçan. *Gadam goýma taýýar ýerlere zynhar* (Sopy Allaýar). *Ýykmak ony bil, günählerniň başy, Mümin erseň, kylma zynhar bu işi* (Döwletmämmet Azady). *Adam ogly, zynhar häzir bolawer, Nebsi-şeýtan saňa sürnüp durupdyr* (Magtymguly).

**ZYNHARLAMA** [zynha:rlama], *iş ady.* Zynharlamak ýagdaýy.

**ZYNHARLAMAK** [zynha:rlamak], *işl.* **1.** *gepl.d.* Bir zady özelenip haýyş etmek, zarynlap sargamak. *– Beýtmesene, meniň maslahatyma-da ýekeje gezek gulak salsana – diýip, Haýdar zynharlap ýalbardy* (N. Jumaýew). **2.** Zarynlamak, bir hili ejizlän ýaly bolmak. *Baý, Köse zynharlaýarsyň-ow* ("Görogly").

**ZYNHARLAÝYŞ** [zynha:rlaýyj], *iş ady.* Zynharlamak ýagdaýy.

**ZYŇDYRMAK,** *işl.* **1.** Zyňmaga mejbur etmek, batly oklatmak. *Çüýşe döwüklerini zibilhana zyňdyrdyk.* **2.** *göç.m.* Ýaramaz endigini, gylyk-häsiýetini we ş.m. goýdurmak, bes etdirmek, taşlatmak.

**ZYŇMA,** *iş ady.* Zyňmak ýagdaýy.

**ZYŇMAK,** *işl.* **1.** Bir zady, mysal üçin, kesegi, daşy we ý.m. eliňi aýlap batly oklamak, atmak. **2.** Harap bolan, zaýalanan ýa-da derde ýaramaýan zatlary aýryp taşlamak. *Bu gün geler, erte geler bilen güllerine suw sepip, iki-üç günläp saklasa-da, ahyry zyňmaly boldy* (N. Pomma). **3.** Ýüz döndermek, bes etmek, goýmak, taşlamak. *Ýaltalygy zyňmak üçin, Kynçylygy ýeňmek üçin, Tutanýerli bolgun, inim!* (A. Salyh). **4.** Batly towusmak, bökmek. *Ol ýatan ýerinden aýratyn bir güýç bilen ýokaryk zyňdy.Olaryň näzik aýaklarynyň aşaklary ýaýly ýaly bolup, diriň-diriň her bökende, ýigrimi ädimden artyga zyňýana meňzedi* (B. Kerbabaýew). **5.** Ahyryna çenli ýetirmän, dowam etdirmän taşlamak, goýbolsun etmek. *Jaýyň boýuny ýetirmän zyňyp gidäýdiler.*

**ZYŇMAKLYK,** *iş ady.* Zyňmak ýagdaýy.

**ZYŇŇYLDAMA** [zyňňyllama], *iş ady.* Zyňňyldamak ýagdaýy.

**ZYŇŇYLDAMAK** [zyňňyllamak], *işl.* Zyňňyldyly ses çykmak, zyňňyldyly seslenmek. *Çybynyň zyňňyldysy.*

**ZYŇŇYLDAŞMAK** [zyňňyllaşmak], *işl.* Köp bolup zyňňyldyly ses çykaryşmak, bilelikde zyňňyldamak. *Çybynlar peşehananyň daşynda zyňňyldaşýardylar.*

**ZYŇŇYLDATMAK** [zyňňyllatmak], *işl.* Bir zady zyňňyldamaga mejbur etmek, zyňňyldyly ses çykartmak.

**ZYŇŇYLDAÝYŞ** [zyňňyllaýyş], *iş ady.* Zyňňyldamak ýagdaýy.

**ZYŇŇYLDY** [zyňňylly], *at.* Çybynlaryň çykarýan sesiniň ady.

**ZYŇŇYRDAMAK,** *işl.* Zyňňyrdyly ses çykmak, zyňňyrdyly seslenmek. *Olar ýöränlerinde şelpeleriň zyňňyrdysy çalaja eşidilýän ýaly bolýardy.*

**ZYNNYRDAŞMAK,** *işl.* Birnäçe zat zyňňyrdamak. *Telefonlar zyňňyrdaşdy.*

**ZYŇŇYRDATMAK,** *işl.* Metaldan bolan zatlary biri-birine degrip, zyňňyrdyly ses çykartmak.

**ZYŇŇYRDY,** *at.* Jaňjagazdan, metal gaplardan we ş.m. çykýan sesiň ady.

**ZYŇYBERMEK** [zyňyvermek], *işl.* Yzly-yzyna zyňyp başlamak.

**ZYŇYLMAK,** *işl.* **1.** Uzaga düşürmek üçin batly oklanmak, dazyrdadyp goýberilmek. *Ýabyň içinden çykarylyp, raýyşdan zyňlan palçyklar doňup, bir-biriniň üstünde dagyň daşy ýaly bolup ýatyrdy* (B. Seýtäkow). **2.** Atylyp goýberilmek, aýrylyp taşlanmak, aýrylmak. *Zaýalanan we ynjan zatlaryň hemmesi zibilhana zyňyldy.*

**ZYŇYNDY** [zyňynny], *at.* Derege ýaramaýanlygy üçin zyňlan zatlar, taşlandy. *Emma bu demir gyryndysy zyňyndy däl ekeni* (A. Atajanow).

**ZYŇYŞ,** *iş ady.* Zyňmak ýagdaýy.

**ZYŇYŞDYRMAK,** *işl.* Dumly-duşa ýaýradyşdyrmak, taşlaşdyrmak, oklaşdyrmak. *Ol elindäki pamyklaryny tertipsiz zyňyşdyrdy-da, hiç kime, hiç zada seretmän, gapa tarap ylgady* (B. Seýtäkow).

**ZYŇYŞMAK,** *işl.* **1.** Zyňmaga kömekleşmek. *Jaý gurýan ussa kerpiç zyňyşmak.***2.** Bilelikde zyňmak, oklaşmak, taşlaşmak. **2.** Biri-biriňe zyňmak, oklamak. *Olar iki topar bolup, gar zyňşyp barýardylar* (B. Annageldiýew). **3.** Zyňmakda ýaryşmak. *Kesegi daşa zyňyşmak.*

**ZYPDYRUN** [zypduru:n], *at, gepl.d.* Ýalançy, aldawçy, kezzap. *Senä-ä bir barypýatan zypdyrun ekeniň.*

**ZYR: zyrdäli 1)** barypýatan däli, tüýs däli, dübläp duran däli. **2)***göç.m.* örän garagol, gaty ýakymsyz. *Bu bir lälik saklanan oglan, öz ugurragyna kowaýmasaň, zyr dälidir.*

**ZYRLADAN,** *syp., gepl.d.* Aldawçy, ýalançy.

**ZYRLAMAK ,** *işl.,gepl.d.* Yzyna garaman, gaty gaçmak (çaga hakynda).

**ZYRLATMAK,** *işl., gepl.d.* **1**. *ser.* **Zyrlamak. 2**. Aldamak, çypdyrmak. *Beýle-de bir zyrladaýmak bolarmy?*

**ZYRMYLDAMA** [zyrmyllama], *iş ady.* Zyrmyldamak ýagdaýy.

**ZYRMYLDAMAK** [zyrmyllamak], *işl.* Örän çalt geçip gitmek, çalasynlyk bilen hereket etmek, ýyldyrym çaltlygynda gitmek. *Zyrmyldap gitmek.*

**ZYRMYLDAŞMAK** [zyrmyllaşmak], *işl.* Yzly-yzyna zyrmyldap gitmek, bilelikde çalt ýöräp gitmek. *Ýaşlar*
*biri-birinden galmajak bolup zyrmyldaşyp barýardylar.*

**ZYRMYLDAÝYŞ** [zyrmyllaýyş], *iş ady.* Zyrmyldamak ýagdaýy.

**ZYRP**, *s.ş.aňl.söz.* Syçan, ýeňil maşyn gapdalyňdan çalasyn geçende emele gelýän ses. *Deňimizden zyrp edip geçen maşynyň sürüjisinem saýgarman galdyk.*

**ZYRPYLDAMAK** [zyrpyllamak], *işl.* Gapdalyňdan zyrp-zyrp edip çalasyn geçmek.

**ZYRPYLDY** [zyrpylly], *at.* Syçan gapdalyňdan çalasyn geçende emele gelýän sesiň ady.

**ZYRP-ZYRP**, *s.ş.aňl.söz.* Syçanlar yzly-yzyna eýläk-beýläk çalasyn geçende emele gelýän sesler.*Syçanlar eýläk-de-beýläk zyrp-zyrp edip geçýärdiler.*

**ZYRRAJYM** [zyrrajy :m], *syp.* Diýeniňden has beter, barypýatan, tüýs. *Zyrrajym ýalançy.*

**ZYÝA** [zyýa:], *at, kön.s.* **1.** Ýagtylyk, nur, şöhle. *Kylaýyn men hem ýüzün köňlüm zyýasy* (Sopy Allaýar). **2.** Oglana dakylýan at.

**ZYÝADA** [zyýa:da], *syp., şahyr.* **1.** Gereginden artyk, artykmaç; oňat, gowy. *Ýa şeýle güýçlümi yşkyň zyýada...* (Magtymguly). *Güýçjagazy häli-hälem Seňkiden-ä zyýadadyr* (K. Gurbannepesow). **2.** Uzak, uzyn (ömür hakynda). *Sözle ýarym: ömrüň bolsun zyýada* ("Gül – Senuber"). **3.** Gyza dakylýan at.

**ZYÝAN** [zyýa:n], *at.* **1.** Birinden ýa-da bir zatdan ýetýän zelel, zeper, şikes. *Tiliň ýyg sen, bardyr zyýan, Akyl onuň haýranydyr* (Magtymguly).

◊ **Zyýan görmek** zyýan çekmek, haýyr, peýda görmezlik (söwdada). **Zyýan ýetirmek** maddy taýdan zyýan bermek. *Hasaplap görsek, lomaýja zyýan ýetiren eken.* **Zyýanyňa çapmak** öz peýda görjegiňi bilmän nädogry hereket etmek. *Kim öz zyýanyna çapar?* **Zyýany ýok** aýbyýok, zeleli ýok, owarram. *Zyýany ýok, zyýany ýok, şemaldyr bu, bir gün soldan öwser, bir gün sagdan* (T. Gurbanow).

**ZYÝANKEŞ** [zyýa:nkeş], *at.* Ösümliklere zyýan berýän mugthor mör-möjekler.

**ZYÝANKEŞLIK** [zyýa:nkeşlik], *at.* Zyýanly iş alyp baryjylyk.

**ZYÝANLY** [zyýa:nly], *syp.* Zyýany bar bolan, zyýan ýetirip bilýän, zyýan ýetirmäge ukyply, zyýan berýän. *Bugdaý bişip, hasyly orulýan wagtlary ýagyş gaty zyýanlydyr* (A. Gowşudow).

**ZYÝANLYLYK** [zyýa:nlylyk], *at.* Zyýanly bolmaklyk, zyýany barlyk. *Agzalalygyň zyýanlylygyna düşünmelisiňiz.*

**ZYÝANSYZ** [zyýa:nsyz], *syp.* Zyýanly däl, zyýan ýetirmeýän. *Biz zyýansyz adam... diýip gygyrdy* (A. Gowşudow).

**ZYÝANSYZLANDYRMAK** [zyýa:nsyzlannyrmak], *işl.* Zyýan ýetmez ýaly etmek, zelelsiz etmek, zelelsiz edip goýmak. *Ýere gömlen minalary zyýansyzlandyrmak.*

**ZYÝANSYZLYK** [zyýa:nsyzlyk], *at.* Zyýansyz bolmaklyk, zyýanly dällik, zyýany ýokluk. *Iýilýän gök önümleriň zyýansyzlygyna aýratyn üns bermek gerek.*

**ZYÝAPAT** [zyýa:pat], *at, k.d..* Edilýän hezzet-hormat, meýlis, oturylyşyk. *Dürli zyýapatlar her şamu-saba* (Seýdi).

◊ **Zyýapat bermek** oturylyşyk gurap, hezzet-hormat etmek. *Sapar Köse muňa şady-horram bolup, myhmanhanasynda kyrk ýigidine zyýapat berip, giýewilik lybaslaryny geýip, bilini mäkäm guşap, gelniniň ýanyna girdi* ("Görogly").

**ZYÝARAT** [zyýa:rat], *at.* **1.** Keramatly ýerlere tagzym etme. **2.** Görme-görüş, baryş-geliş. *Hem zyýarat, hem tüjarat* (Nakyl). *Sebäp bilen zyýarat, palçyk bilen ymarat* (Nakyl).

◊ **Zyýarat etmek** keramatly ýere aýlanmak, baryp görmek. *Käbä zyýarat edip, haj parzyny berjaý edip geldiler* ("Garagum"). **Zyýaratyňyz kabul bolsun!** bir ýere zyýarata baryp gelen adama ýüzlenilip aýdylýan dileg.

**ZYÝARATÇY** [zyýa:ratçy], *at.* Zyýarata gidýän, zyýarat edýän adam. *Häzir zyýaratçylary gatnatmak üçin ýörite awtobus ugraýar* ("Watan").

**ZYÝAT** [zyýa:t], *syp.* Bolmaly sanyndan, mukdaryndan artyk, köp (*ser.* **Zyýada**).

# MAZMUNY


Şertli gysgaltmalar ........................................ 7
Türkmen elipbiýi ........................................ 8
K........................................ 9
L ........................................ 64
M........................................ 75
N........................................ 115
Ň ........................................ 132
O ........................................ 132
Ö........................................ 139
P ........................................ 183
R........................................ 216
S ........................................ 223
Ş ........................................ 314
T ........................................ 340
U........................................ 395
Ü........................................ 411
W........................................ 422
Y........................................ 434
Ý........................................ 446
Z ........................................525

**Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi.** Iki tomluk. I tom. K-Z. - Aşgabat: Ylym, 2015, 542 sah.

# K – Z

**DÜZÜJILER:**

**G. Kyýasowa, A. Geldimyradow,**
**H. Durdyýew**